TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY
MAGTYMGULY ADYNDAKY DIL WE EDEBIÝAT INSTITUTY

# TÜRKMEN DILINIŇ DÜŞÜNDIRIŞLI SÖZLÜGI

**Gurbanguly Berdimuhamedowyň umumy redaksiýasy bilen**

## I tom

## A-Ž

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2016

UOK 81.374.3(038)
T90

T90 **Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi.** Iki tomluk. I tom. A–Ž. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2016.

Düzüjiler: G. Kyýasowa, A. Geldimyradow, H. Durdyýew

Türkmen diliniň düşündirişli sözlüginiň iki tomlugy Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň howandarlyk etmeginde Garaşsyzlyk ýyllary içinde täze türkmen elipbiýinde ilkinji gezek çap edilýär. Sözlük häzirki zaman türkmen diliniň söz baýlygynyň aglaba bölegini öz içine alýar. Bu sözlük düzülende sözlük düzmekligiň dünýä tejribesine daýanyldy. Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi ene dilimiziň esasyny, aýratynlyklaryny özünde jemlemek bilen, dilimiziň ösüş kanunalaýyklyklaryny açyp görkezýän özboluşly we düýpli derňewdir.

Sözlükde, takmynan, 50.000 töweregi baş söz, söz düzümi we frazeologik birlikler ýerleşdirilip, olaryň häzirki zaman türkmen dilinde ýazylyşy, aýdylyşy görkezilip, aňladýan manylaryna düşündiriş berilýär. Sözleriň ulanylyşynyň stilistik aýratynlyklary, bir manylylyk, köp manylylyk, göçme manylylyk häsiýetleri hormatly Prezidentimiziň dürdäne eserlerinden, halk döredijiliginden, aýratyn hem, atalar sözüdir nakyllardan, durnukly söz düzümlerinden, türkmen nusgawy edebiýatyndan, häzirki zaman ýazyjy-şahyrlarymyzyň eserlerinden alnan mysallar arkaly delillendirilýär. Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi häzirki zaman dil biliminiň, aýratyn-da leksikologiýa we leksikografiýa ylmynyň gazanan düýpli üstünlikleri nazara alnyp düzülen uly göwrümli akademiki neşirdir.

Sözlük türkmen diliniň söz baýlygy bilen gyzyklanýanlara, ylmy jemgyýetçilige, döredijilik işgärlerine, türkologlara, ýokary we ýörite okuw mekdepleriniň mugallymlaryna hem-de talyplaryna, şeýle-de giň okyjylar köpçüligine niýetlenýär.

*Kitabyň original maketi «Ylym» neşirýatynda taýýarlanyldy.*

TDKP № 32, 2016 KBK 81.2 (Tü) – 4

© Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy,
Magtymguly adyndaky Dil we edebiýat instituty, 2016



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## DILDE HALKYŇ RUHY ÝAŞAÝAR

**Mähriban okyjylar!**

Türkmen halky dünýäniň iň gadymy halklarynyň biridir. Şonuň üçin hem türkmen dili merdana halkymyzyň köp asyrlyk, baý we şahyrana dünýäsini özünde jemleýär. Dürli öwüşginlere baý bolan ene dilimiz halkymyzyň milli özboluşlylygyny, şöhratly taryhyny we arzuw-umytlaryny inçeligi bilen beýan edýär. Şoňa görä-de, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň Esasy Kanuny, buýsançly Baýdagy, owadan Tugrasy ýaly, mähriban halkymyzyň dili hem bahasyna ýetip bolmajak hazynamyzdyr.

Türkmen alymlarynyň sözlük düzmek tejribesi öz gözbaşyny gadymy döwürlerden alyp gaýdýar. Meşhur dilçi alym Mahmyt Kaşgarlynyň «Diwani lugat at-türk», «Türki dilleriň gadymy sözlügi» ýaly düýpli ylmy işlerinde türki halklaryň dilleriniň arasynda türkmen diliniň aýratyn ornunyň bardygyny aýdyň görmek bolýar. Gadymy sözlüklerde jemlenen gymmatly maglumatlar diňe bir Gündogarda we türki dünýäsinde belli bolmak bilen çäklenmän, eýsem, Ýer ýüzüniň ylmy jemgyýetçiliginiň arasynda hem giňden mälimdir. Türkmen diliniň baýlygyny özünde jemleýän häzirki zaman sözlükleri şol ylmy ýörelgäniň dowamy hökmünde Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe mähriban halkymyza ajaýyp sowgatdyr.

Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen halkynyň medeniýetiniň, ylmynyň, halk hojalygynyň ösmegi, halkara hyzmatdaşlygynyň giňelmegi, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlanmagy netijesinde, türkmen diliniň sözlük gory hem has baýlaşdy.

Şonuň esasynda dilimiziň sözlük düzüminde köp sanly täze sözler, adalgalar we aňlatmalar peýda boldy. Birnäçe sözler täze öwüşgine eýe bolup, türkmen dilinde işjeň ulanylýan sözleriň özboluşly toparyny emele getirdi. Munuň özi dürli sözlükleri düzmek işinde dilimiziň özboluşlylygyny göz öňünde tutýan kadalaryň döremegine mümkinçilik berdi.

Häzirki döwürde Berkarar döwletimizde ylym ulgamyny kämilleşdirmek, türkmen diliniň ýazuw ýadygärliklerini we dünýä meşhur dilçi hem-de sözlükçi alymlaryň ylmy mirasyny çuňňur öwrenmek asylly däbe öwrüldi. Halkymyzyň köp asyrlaryň dowamynda döreden milli gymmatlyklaryny dikeltmekde we medeniýetimizi baýlaşdyrmakda, gadymy we orta asyrlaryň ýazuw çeşmelerini, dilini, edebiýatyny, ylmyny öwrenmekde hem-de olaryň adamzat bähbitli çuň many-mazmunyny dünýä ýaýmakda ägirt uly işler durmuşa geçirilýär. Çagalar baglaryndan başlap, orta we ýokary okuw mekdeplerinde ýaş nesillerimize ene dilimizi düýpli öwretmek, ylmy edaralarda türkmen dilini hemmetaraplaýyn öwrenmek boýunça köp işler edilýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen alymlarynyň taýýarlan baý mazmunly sözlükleriniň ähmiýeti hem örän uludyr. Göwünlere ganat berýän ene dilimizde ýazylan şu sözlükler Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň ajaýyp miweleriniň biridir. Halkymyzyň pähim-parasadyndan, durmuş tejribesinden kemala gelen çuň manyly we öwüşginli sözler täze sözlüklerde jemlendi. Hut şonuň üçin hem, türkmen dilindäki sözlükler türki dilli halklar, türkmen dilini öwrenýän, dilleri deňeşdirip we degşirip ylmy iş ýazýan alymlar üçin hem gymmatly çeşmä öwrüldi. Ene dilimiziň dürdäne serişdeleri ulanylyp düzülen sözlükler türkmen dil biliminiň ýeten derejesiniň ýene-de bir aýdyň subutnamasy boldy.

Häzirki döwürde Garaşsyz Watanymyzda ene dilimiziň ähli gözelliklerini we öwüşginlerini düýpli öwrenmek, aýawly saklamak hem-de nesilden-nesle geçirmek üçin ähli mümkinçilikler döredildi.

Men halkymyzyň jebisligini milli bitewüligimizde, dilimiziň arassalygynda, aňladyjylyk ukybynyň çäksizliginde görýärin. Diliň we edebiýatyň hakyky eýesi halkdyr.

Şoňa görä-de Türkmenistanyň Esasy Kanunynda: «Türkmen dili Türkmenistanyň döwlet dilidir» diýlip, beýan edildi. Häzirki döwürde edebi ýadygärliklerimiz, milli medeniýetimiz hem-de nusgalyk ruhy gymmatlyklarymyz bilen mähriban halkymyzy, dünýä jemgyýetçiligini ýakyndan tanyşdyrmak maksady bilen, ene dilimizde çap edilýän «Oguznama», «Gorkut ata», «Görogly» ýaly ajaýyp eserlerimiz, nusgawy şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň şygyrlar diwany, dürli ugra degişli sözlüklerimiz gadymy türkmen topragynyň we türkmen diliniň ajaýyplygyny we örän baýdygyny bütin dünýä açyp görkezýär.

**Hormatly okyjylar!**

Türkmen halky Oguzhan döwründen başlap, ýazuw ýadygärliklerini, aýry-aýry döwürleriň egsilmez dil baýlyklaryny özünde jemleýän sözlükleri we kitaplary uly gymmatlyk hasaplaýar. Meşhur alymlaryň, söz ussatlarynyň ylham-zehininden kemala gelen ylmy-filosofik eserler, şygyr diwanlary, şanly geçmişden söhbet açýan taryhy we edebi çeşmeler, ene dilimiziň özboluşly öwüşginlerini özünde jemleýän sözlükler her bir ynsan üçin tapylgysyz baýlykdyr. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe häzirki zaman türkmen diliniň döwrebap, kämil ösüşini, baý sözlük goruny, owazlylygyny, many taýdan goýazylygyny, dürs ýazuw we dürs aýdylyş kadalaryny öz içine alýan bu sözlükleriň halkymyza uzak ýyllaryň dowamynda hyzmat etjekdigine pugta ynanýaryn.

Goý, şeýle sözlükleriň höwri köp bolsun!

**Türkmenistanyň**
**Prezidenti**



**Gurbanguly**
**Berdimuhamedow**

## SÖZBAŞY

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňdengörüjilikli syýasaty netijesinde Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hemmetaraplaýyn ösýän jemgyýetimizde türkmen dili özüniň ösüşiniň täze basganҫaklaryna çykdy. Türkmen halkynyň ýürek töründe baky orun alan ene dilimiz ynsanlaryň arasyndaky aragatnaşygyň aňlary nurlandyrýan çeperçilik serişdesi hökmünde halkyň kalbyna hemişelik ornaşdy.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil we edebiýat institutynyň sözlükçi alymlary bagtyýarlyk döwründe türkmen diliniň iki tomluk düşündirişli sözlügini doly neşire taýýarladylar. Bu sözlük görnüşi boýunça uly sözlüklere degişlidir. Ol häsiýeti boýunça kadalaşdyryjy sözlükleriň hataryna girýär. Sözlük diňe bir häzirki zaman türkmen diliniň sözlük goruny, Garaşsyzlyk ýyllary içinde dörän täze sözleri, adalgalary hem-de olaryň täze manylaryny öz içine almak bilen çäklenmän, onda milli Liderimiziň nusgalyk eserlerinde, dürli görnüşli halk döredijiligi nusgalarynda, dessanlaryň, nusgawy şahyrlaryň, häzirki zaman ýazyjy-şahyrlarynyň döredijiliginde duş gelýän ýörgünli sözlerdir aňlatmalar hem öz şöhlelenmesini tapdy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow türkmen diliniň arassalygyny saklamagyň derwaýysdygyny, alymlaryň, ýazyjy-şahyrlaryň we beýleki döredijilik işgärleriniň diliniň baý, şireli, owazly bolmalydygyny häli-şindi nygtap gelýär. Şeýle sargytlar esasynda timarlanan türkmen diliniň umumyhalk diline bolan gatnaşygyny berkitmek, dilimiziň aňladyjylyk ukybynyň gerimini giňeltmek, sözleriň many baýlygyny ähli inçeligi bilen sözlüge siňdirmek zerurlygyny ýüze çykardy.

Türkmen diliniň düşündirişli sözlüginiň ilkinji nusgasyny düzmäge gatnaşanlardan M.Hamzaýewiň, S.Altaýewiň, G.Ataýewiň, G.Açylowanyň, W.Mesgudowyň atlary ýatlanylmaga mynasypdyr.

«Türkmen diliniň düşündirişli sözlüginiň» eliňizdäki nusgasyna soňky döwürde dörän adalgalaryň, ene dilimizde ulanylýan ýasama sözleriň, sypat hem işlik derejeleriniň öň sözlüge girizilmedik görnüşleri, Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýörgünli

ulanylyp ugran täze sözler, dilimizde öňden ulanylýan sözleriň soň dörän manylary siňdirildi. Iki tomdan ybarat Sözlügi gaýtadan düzüp we düýpli redaktirläp, baş sözleriň sözlük makalalarynyň has kämil bolmagy üçin ýadawsyz zähmet çeken işgärlerden G.Kyýasowanyň, A.Geldimyradowyň, H.Durdyýewiň atlaryny aýratyn ýatlap geçmek ýerlikli bolar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň dil taglymaty esasynda türkmen diliniň sözlük düzüminiň dilimiziň içki serişdeleriniň hasabyna täze-täze sözler hem-de adalgalar bilen baýlaşmagyna giň ýol açyldy. Öňden ulanylýan sözleriň birentegi täze-täze manylara, many öwüşginlerine eýe boldy. Öz nobatynda, sözlügi düzüjiler we redaktirläp neşire taýýarlanlar sözlügiň has kämil çykmagy, sözlük makalalarynyň ylmy we ygtybarly bolmagy üçin, halkyň dil baýlygyna – dessanlara, nakyllara, halk aýdymlaryna, ertekilere, nusgawy edebiýatymyzyň ajaýyp eserlerine, hormatly Prezidentimiziň nusgalyk kitaplaryna we türkmen ýazyjy-şahyrlarynyň eserlerine daýandylar. Söz ussatlarynyň ene dilimiziň söz baýlyklaryndan ýerlikli peýdalanyşy, şolaryň üsti bilen maňzyňa oturýan sözlerdir jümleleriň many aýratynlyklaryny şöhlelendirişi, çeper aňladyşy sözlük düzmek işinde görelde mekdebi boldy. Şonuň netijesinde türkmen diliniň henize çenli ýüze çykarylmadyk, dolanyşyga girizilmedik giň içki mümkinçiliklerini, baýlyklaryny alamatlandyrýan ýüzlerçe sözler sözlükde öz beýanyny tapdy. Umuman, sözlügi çapa taýýarlaýjylar köp babatlarda sözlük düzmek işini redaktirlemek işi bilen utgaşdyryp alyp bardylar.

50.000 basalyk söz, söz düzümi we frazeologik birlikler ýerleşdirilen düşündirişli sözlügi redaktirläp, çapa taýýarlamak işi ýörite düzülen «Düzgünnamanyň» esasynda alnyp baryldy. Sözlükde ýerleşdirilen sözler türkmen elipbiýiniň esasynda elipbiý tertibine salyndy, baş sözleriň haýsy söz toparyna degişlidigi görkezildi, sözleriň düşündirilişini has kämilleşdirmek maksady bilen, bu işe täzeçe çemeleşildi, ýagny sözlükde düşündirişiň beýany usulyna esaslanyldy, sözleriň, söz düzümleriniň ulanylyş aýratynlyklaryny delillendirmek üçin, mysallaryň iň ygtybarlylary saýlanyp-seçilip alyndy. Sözlükde ilkinji gezek sözleriň dürs aýdylyşy göni burçly ikigyraň (kwadrat) ýaýyň içinde görkezildi.

Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi taýýarlanylanda, ene dilimiziň dünýäniň iň ösen dilleriniň biridigine esaslanmak bilen, bu ugurda gazanylan üstünlikler, gymmatly tejribeler özleşdirildi we her bir dil serişdesine baha berlende, şol ýörelgelere daýanyldy.

Sözlügiň düzülmegi ýeke bir türkmen dil biliminde däl, eýsem, jemgyýetçilik ylymlarynyň arasynda hem uly hadysa bolmak bilen, iňňän gadymy we juwan

jemgyýetiň ynsanlarynyň ruhy kämilliginiň, baý we ösen ene dilimiziň ulanyş geriminiň ilerlemegine ýardam etjekdigine ynanýarys.

Sözleriň ulanylyş ýagdaýyny görkezýän mysallaryň köpüsi Magtymguly adyndaky Dil we edebiýat institutynyň sözlük gaznasyndan alyndy. Sözlügi baýlaşdyrmakda ýerlerden iberilen hatlaryň, teklipleriň hem uly goldaw bolandygyny aýdasymyz gelýär.

Wagtyň geçmegi bilen her bir diliň sözlük düzüminde belli bir derejede ösüşleriň we özgerişleriň bolmagy tebigy hadysadyr. Şoňa görä-de, türkmen diliniň dolanyşygynda bar bolan hem-de dilimize ornaşyp ýetişmedik sözleriň käbiriniň sözlügimiziň indiki neşirlerinde sözlük makalasy görnüşinde ýerleşdiriljekdigine ynanýarys. Çünki şu hili uly sözlükleriň gaýtadan yzygiderli neşir edilip durulmagy gutlanylmaly ýagdaýdyr.

Sözlük baradaky bellikleriňizi, teklipleriňizi şu salgy boýunça ibermegiňizi haýyş edýäris: 744000, Aşgabat säheri, Bitarap Türkmenistan şaýolunyň 15-nji jaýy, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil we edebiýat instituty.

**Magtymguly adyndaky Dil we**
**edebiýat instituty**

## SÖZLÜGIŇ GURLUŞY HAKYNDA

«Türkmen diliniň düşündirişli sözlügine» häzirki zaman türkmen dilinde giň gerimde ulanylýan işjeň sözler, adalgalar we durnukly söz düzümleri girizildi. Sözlük Magtymguly adyndaky Dil we edebiýat institutynyň ylmy işgärleriniň onlarça ýyllaryň dowamynda halkyň arasyndan ýygnap alan sözleriniň esasynda düzüldi. Sözlüge girizilen baş sözler elipbiý tertibinde ýerleşdirilip, türkmen diliniň ulanylyş gerimi we sözleriň aňladýan manylary hasaba alnyp düzülen sözlük makalalaryndan ybaratdyr. Ol uly göwrümli düşündirişli sözlüklere degişli bolup, häzirki döwrüň dil aýratynlyklaryny özünde jemleýän düýpli akademiki kadalaşdyryjy leksikografik derňewdir.

Sözlükde baş söz edilip, özbaşdak many aňladýan söz toparlaryna girýän atlar, sypatlar, işlikler, sanlar, çalyşmalar, hallar hem-de kömekçi häsiýetli sözsoňular, baglaýjylar, ümlükler, modal (ugrukdyryjy) sözler we ses hem şekil aňladýan sözler öz beýanyny tapdy. Mysal üçin, atlaryň hemmesi baş düşümde, birlik sanda alnyp, işlikleriň – ýükletme, gaýdym, özlük, şäriklik derejeleri bilen bir hatarda sypatlaryň artyklyk, kemlik, deňeşdirme we söýgülik-kiçilik derejeleri öz şöhlelenmesini tapdy. Mukdar we tertip sanlara hem sözlükde uly orun berildi. Jyns atlar setir başynda gelen ýagdaýyndan başga halatda setir harpy bilen, has atlaryň hemmesi bolsa ýazuw kadalaryna laýyklykda baş harp bilen ýazyldy.

Türkmen elipbiýinde uly gara harplar bilen ýyglan baş sözden soň, göni burçly ikigyraň (kwadrat) ýaýyň içinde olaryň dogry aýdylyşy, çekimlileriň uzynlygy iki nokat [:] belgisi arkaly, çekimsizleriň özara meňzeşleşmesi, dodak, inçe we ýogyn çekimlileriň söz içindäki sazlaşygy görkezildi. Soňra baş sözleriň haýsy söz toparyna degişlidigi kesgitlenildi. Sözlük makalasynda dürs ýazylýan baş sözden we göni burçly ikigyraň (kwadrat) ýaýyň içinde getirilýän sözleriň dogry aýdylyşyndan soň, olaryň ähli manylary boýunça giň düşündiriş berildi hem-de olar gyýa (kursiw) harplar bilen ýazylan tassyklaýjy mysallar arkaly delillendirildi. Düşündirişlerden soň täze setirde pişme (romb) belgisi goýlup, türkmen diliniň baş söz bilen baglanyşykly durnukly söz düzümleri (frazeologizmler) elipbiý tertibinde getirildi hem-de olar manylary boýunça düşündirilip, berkidiji mysallar bilen tapawutlandyryldy.

Umuman, eliňizdäki düşündirişli sözlükde ýerleşdirilen esasy sözlük makalalarynda berilýän manylaryň birdigine ýa-da köpdügine garamazdan, olar aşakdaky häsiýetli aýratynlyklary ýüze çykarýan 23 toparyň haýsy hem bolsa birine degişlidir.

1. Sözlükde baş söz edilip alnan sözler elipbiý tertibinde ýerleşdirildi.

2. Göni burçly ikigyraň (kwadrat) ýaýyň içinde sözleriň dogry aýdylyşy, çekimlileriň uzynlygy iki nokat [:] belgisi, çekimsizleriň özara meňzeşleşmesi, dodak, inçe we ýogyn çekimlileriň söz içindäki sazlaşygy arkaly görkezildi: **GORAMAK** [go:romok], **SAZANDA** [sa:zanna], **GÖRELDE** [göröllö] we ş.m.

3. Sözleriň hemme söz toparlaryna degişli bolanlary (*atlar, çalyşmalar, sypatlar, sanlar, işlikler, hallar, sözsoňular, baglaýjylar, ümlükler, ses we şekil aňladýan sözler*) aýratyn sözlük makalasy edilip berildi:

**KAKA** [ka:ka], *at.* **1**. Maşgalada çaganyň iň ýakyn hossarynyň biri bolan erkek adam, ata. **2**. Kakaň erkek doganyna sylag, hormat hökmünde onuň adynyň soňuna goşulyp aýdylýan söz. *Baýram kaka.* **3**. Oglana dakylýan at. **4**. Ýer (oba, şäher we ş.m.) ady.

**AÝTMAK**, *işl.* **1**. Bir zat hakynda söz arkaly habar bermek, mälim etmek, diýmek, duýdurmak. *Bilmeýen soranlara aýdyň bu garyp adymyz: Asly – gerkez, ýurdy – Etrek, ady Magtymguludyr* (Magtymguly). **2**. Gürrüň bermek, söhbet açmak, gürlemek. *Niçe aýtsam eşitgüji dana kany?* (Hoja Ahmet Ýasawy). **3**. Hal işligiň şekilindäki *aýtmak* işliginiň yzyndan *bermek, bilmek* ýaly kömekçi işlikleriň biri gelende, täze manyly düzümli işlikler ýasalýar: **Aýdyp bermek** sözleýän adamyň özi gürrüň etmek, söhbet etmek. **Aýdyp bilmek** aýtmagy başarmak, aýtmagyň hötdesinden gelmek.

**AK** [a:k] **I**, *syp.* **1**. Garyň, hekiň reňkine meňzeş reňkdäki, gar reňkli, *gara* sözüniň garşylykly manysy. *Ak pagta*. **2**. *göç.m.* Günäsiz, ýazyksyz, päk. *Ak adama günä sürtseň hem ýokmaz.* **3**. *göç.m.* Agaran, aga öwrülen (saç, sakgal hakynda). *Sakgalyň agy köpelipdir*.

**TYKYR-TYKYR**, *s.ş.aňl.söz*. Gaty zatlar biri-birine degende çykýan sesler.

4. Asyl we ýasama atlar baş söz hökmünde, baş düşümde alyndy we sözlüge girizldi: **ADAM**, **ADAMKÄRÇILIK** we ş.m.

5. Halk atlarynyň has giňden ýaýranlary hem sözlükde baş söz hökmünde berildi. Olar ilki birlik sanda alnyp, yz ýanyndan *ser.* diýen bellik goýulmak arkaly onuň köplük sandaky görnüşine salgylanyldy:

**ARAP**, *at.* **1**. *ser.* **Araplar**. **2**. Oglana dakylýan at.

**ARAPLAR**, *at.* ...

Ýer-ýurt, adam atlary baş söz hökmünde görkezilmeýär. Ýöne baş söz edilip berlen söz ýer-ýurt, adam ady bilen gabat gelen halatynda olar baş sözüň soňky manylary hökmünde sanlar bilen belgilenip berildi:

**GARAJA**, *syp.* **1**. Enaýydan gara, kiçijik hem gara zatlar sypatlandyrylyp aýdylýan söz. *Galanyň ileri günbatar gapdalynda bir garaja oraça otyrdy* (A. Gowşudow). **2**. Oglana dakylýan at.

6. Sypatlaryň düýp derejesi bilen bir hatarda olaryň hemme derejeleri hem alyndy: *gap-gara, göm-gök, dym-gyzyl* we ş.m. (artyklyk derejesi); *agymtyl, garamtyl, goňrumtyl, sarymtyl; ajymtyk, süýjümtik, turşumtyk* we ş.m. (kemlik derejesi); *ajyrak, süýjüräk, duzlurak, ulurak, dogumlyrak* we ş.m. (deňeşdirme derejesi); *akja, garaja, enaýyja* we ş.m. (söýgülik-kiçilik derejesi). Mysal üçin:

**AGRAK** [a:ğyra:k], *syp.* Reňki aga ýakyn.

7. Çalyşmalaryň hemme görnüşleri sözlük makalasy edilip berildi.

**MEN,** Gepleýän şahsyň birlik sanyny aňladýan at çalyşmasy (*Men* sözüniň düşümlerde ulanylyşy: *men, meniň, maňa, meni, mende, menden*). *Kasdyň nedir bu jana, eý ýary mahy-taban, Men çekmişem bu jebriň, çekmesin hiç musulman* (Mollanepes).

Türkmen dilinde *ol* manysynda gelýän *o* ýaly gepleşik dilinde gabat gelýän çalyşma hem sözlükde baş söz hökmünde berlip, edebi dildäki taýyna salgylanma ýoly bilen ýerleşdirildi:

**O**, *çal, gepl.d., ser.* **Ol**. *O näme diýýär?O kim?*

8. Baş söz *kön.s.* diýen bellik bilen berlende *ser.* belligi ulanylman, ol häzirki zaman türkmen dilindäki taýy görkezilip düşündirildi:

**UŞBU**, *kön.s.* “Bu”, “şu” manysyndaky görkezme çalyşmasy. *Gul Hoja Ahmet Ýasawynyň uşbu sözi, Ajap ermes bakyp birden görer gözi* (Hoja Ahmet Ýasawy).

Sözlükde *kön.*s. belligi bilen berilýän käbir baş sözler gadymy türkmen sözleri hasap edilip, beýlekilere täze dörän sözler diýip düşünmek bolmaz. Häzirki zaman türkmen dilinde ulanylýan sözleriň (*el, gol, aýak, göz, gulak, ýer, suw, ot* we ş.m.) köpüsi dilimizde müňlerçe ýyllar bäri ulanylyp gelinýän sözlerdir. Olar häzir hem biziň söz baýlygymyzyň esasyny düzýär. Şonuň üçin, öň dilde ulanylyp, diňe şu günki günde seýrek duşýan sözleri *kön.s.* diýen bellik arkaly ýörgünli ulanylyp ýörlen sözlerden tapawutlandyrmagy maksada laýyk hasapladyk.

9. Sözlükde işlikler işligiň nämälim şekiliniň *-mak/-mek* goşulmasy goşulan görnüşde berildi. Mysal üçin: *okamak, ýazmak, barmak, gelmek, işlemek, döretmek, guwanmak, buýsanmak, begenmek, gürleşmek, derdinmek, derdinişmek, ýygyşmak, güldürmek* we ş.m.

10. Aslynda iki sany sözden ybarat bolup, soňra ses özgermesi netijesinde bir söze öwrülip giden goşma işlikler hem baş söz hökmünde ýerleşdirildi:

**ÄBERMEK** [ävermek], *işl.* **1**. Birine bir zady alyp bermek. *Suw äbermek.* **2**. Bir zady biri üçin satyn alyp bermek. *Köwüş äbermek.* **3**. Öňünde goýmak; öňüne alyp bermek. *Çaý äbermek. Nahar äbermek.*

**ÄKITMEK**, *işl.* **1**. Bir zady ýa birini ýanyň bilen alyp gitmek, ýanyň bilen alyp barmak. **2**. Ugrukdyrmak, alyp gitmek.

11. Sözlükde *dyrmamak* we *dyrmalamak*; *dörjemek* we *dörjelemek* kimin sözleriň many tapawudy bar bolansoň, olar aýry-aýrylykda berildi we sözlük makalasynda olaryň many öwüşginleri hem şöhlelendirildi. Mysal üçin:

**DYRMAMAK**, *işl.* **1**. Barmak, dyrnak we ş.m. zat bilen bir zadyň ýüzüni sydyrtmak, gazamak. *Ol böwrüni diňirgäp, gulagynyň ýeňsesini dyrmady* (B. Kerbabaýew). **2**. *gepl.d.* Gazyp, dörjäp bejermek (ekin hakynda). *Olar keşleriň arasyny ýeňiljek dyrmaýardylar, ýumşadýardylar* (B. Kerbabaýew). **3**. *gepl. d., ser.* **Dyrnaçaklamak**.

**DYRMALAMAK**, *işl.* Yzygiderli dyrmamak, gaýta-gaýta dyrmamak. *Gülendam aýagynyň astynda ýatan çöpi aldy-da, ýeri dyrmalap oturyberdi* (“Görogly”).

**DÖRJEMEK** [dö:rjömök], *işl.* **1**. Dörüp garyşdyrmak, dörüp eýläk-beýläk agdarmak, gorjamak. *Ata ýanyp duran ody dörjedi.*

**DÖRJELEMEK** [dö:rjölömök], *işl.* **1**. Yzygiderli dörüp, gorjap durmak. **2**. Ýeri we ş.m. dyrmalamak, gorjalamak.

*Öýermek/öýlendirmek, ýakmak/ýandyrmak* ýaly bir kökden ýasalan sözleriň ikisi-de özbaşdak görnüşde sözlüge girizildi, olar manydaş ýa-da ýakyn manyly bolansoň, sözüň beýan ediş ýoly bilen berlen düşündirişden soň otur goýlup, manydaş sözi ýazyldy:

**ÖÝERMEK** [öýörmök], *işl.* Öýli-işikli etmek, gelin alyp bermek, maşgalaly etmek, öýlendirmek. *Ene ogluny öýermek meselesini orta atdy* (A. Durdyýew).

**ÖÝLENDIRMEK** [öýlönnürmök], *işl.* Birini maşgalaly etmek, gelin alyp bermek, öýermek. *Görogly, seni öýlendiris, illendiris, gaýgy etme* (“Görogly”).

12. Türkmen dilinde käbir sözler özbaşdak ulanylman, diňe kömekçi işligiň esasy sözi bolup gelýär hem-de kömekçi işlik bilen birlikde belli bir manyny aňladýar. Şolar ýaly sözler baş söz edilip berilýär we yzyndan iki nokat (:) goýlup, soňra kömekçi işlik bilen bilelikde getirildi:

**SEM: sem bolmak** sesiňi kesmek, sesiňi goýmak. **Sem etmek** sesini kesdirmek, sesini goýdurmak.

**LAK-LUK: lak-luk atmak (etmek, ýuwutmak)** nebsewürlik bilen çalt iýmek, hapyr-hupur etmek, şol durşuna çala çeýnäp-çeýnemän ýuwutmak. – *Şonça salam bermedik bolsaň, seni lak-luk atardym – diýipdir* (“Türkmen halk ertekileri”).

13. Işlik derejeleri hem sözlükde baş söz hökmünde şöhlelendirildi. Mysal üçin:

**ALYNMAK**, *işl.* **1**. Özüň üçin bir zady almak. *Ol özüne maşyn alyndy.* **2**. Satlyga çykarylan zat geçmek, ýerlenmek. *Dükana gelen kitaplar derrew alyndy.* **3**. Mahrum edilmek (adamyň elindäki, eýeçiligindäki zatlar hakynda).

**ÝAZDYRMAK** [ýazzyrmak] **I,** *işl*. **1.** Ýazmak işini başga birine etdirmek. *Men mugallymlarymyzdan hata ökdesiniň biriniň ýanyna baraýyn-da, hemmesini bolşy ýaly edişdirip ýazdyraýyn* (N. Saryhanow). **2**. Ýazmaga mümkinçilik bermek, ýol bermek. *Mugallym, tagtada düzmäniň adyny maňa ýazdyrsana!*

14. Iş atlarynyň, köplenç, düýp işliklerden ýasalanlary alyndy:

**ALMA II**, *iş ady.* Almak ýagdaýy.

**ALYŞ**, *iş ady.* Almak ýagdaýy. *Başga birinden alan zadyňy alşyň ýaly edip yzyna gaýtarmalydyr.*

Dereje ýasaýjy goşulmalary kabul eden işliklerden, iş atlaryndan täze manyly söz ýasalan ýagdaýynda olar hem sözlüge girizildi. Mysal üçin:

**GALKYNYŞ**, **1**. *iş ady.* Galkynmak ýagdaýy. **2**. *at.* Ýokary göteriliş, ösmek arkaly güýçli derejede ýokary galyş.

**OTURTMA** [oturtmo], **1**. *iş ady.* Oturtmak ýagdaýy. *Ony ýeňsede oturtmaň-a birhili*. **2**. *syp.* Düýbi oturdylyp ekilen. *Oturtma sogan.*

Düýp işligiň ýokluk galypyny hasyl edýän goşulmalar goşulyp gelen işlikleriň *-lyk/-lik* goşulmalary kabul edenleri adyň hyzmatyny ýerine ýetirýändigi üçin *iş ady* belgisi bilen sözlükde ýerleşdirildi:

**AGYZZYRYKLAMAZLYK** [ağyzzyryklamazlyk], *iş ady.* Agyzzyryk salmazlyk.

**GITMEZLIK**, *iş ady.* Gitmek hereketini etmezlik.

15. Sözlükde hemme söz toparlaryna degişli sözlerde edilişi ýaly, asyl, ýasama, goşma we tirkeş hallar baş söz görnüşinde berildi. Mysal üçin:

**AGŞAMARA** [agşama:ra], *hal.* Günüň ýaşýan wagty, iňrik garalan wagty, garaňky gatlyşan wagty; giçlik, agşamlyk.

16. Käbir ýagdaýda bir düýp sözden ýasalan at bilen hal gabat gelýär. Mysal üçin: atlar: *günorta, öýle, ikindi, ýassy;* hal sözleri *günortan, öýlän, ikindin, ýassyn.* Olar sözlükde aýry sözlük makalalary görnüşinde tapawutlandyrylyp berildi:

**GÜNORTA** [günorto], *at.* **1**. Demirgazygyň gabat garşysy we şol ugur, ileri. **2**. Demirgazygyň garşysynda ýerleşýän ýerler. **3**. Günüň ýerden iň ýokary derejesine galyp, orta bolýan wagtynyň ady. *Günortadan soň gelerin*.

**GÜNORTAN** [günorta:n], *hal.* Günüň orta bolýan wagty. *Şol gün günortan bolsa kolhoz harmantoý berdi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, «Döwlet guşy»). *Çopanlar günortan mallary ýatyrýarlar*.

17. Sözlükde kömekçi sözler hem özbaşdak sözlük makalasy hökmünde ýerleşdirildi. Ýöňkemäniň we wagt-orun düşümiň goşulmalaryny kabul eden sözsoňular hem sözlükde baş söz görnüşinde alyndy. Mysal üçin: *babatynda, barasynda, barada, dogrusynda, hakda, hakynda* we ş.m.

18. Ümlükler hem baş söz görnüşinde ýerleşdirildi:

**WIÝ**, *üml.* **1**. Bir zat ýatdan çykan ýagdaýynda aýdylýar. *Wiý, äýnegimi alman gaýdyberipdirin*. **2.** Geň galynanda, haýran galynanda aýdylýar. *Wiý, kakasy, ownuk-uşak zat üçin gatyrganmaweri* (B. Kerbabaýew). *Wiý, ynha oglumyzam geläýdi!*

**WÄK** [wä:k], *üml.* Birden bedeniň bir ýeri agyrdylanda, awunylanda, bir zada degende we ş.m. ýagdaýlarda aýdylýar.

**HÖW-HÖW**, *üml.* Sygyr kowlanda aýdylýar.

19. Sözlükde *gürp, tarp* ýaly ses we şekil aňladyp gelýän sözler hem baş söz görnüşinde berildi. Olaryň tirkeşip gelýän görnüşleri *gürp-gürp, tarp-tarp, güpür-güpür* we ş.m. hem alyndy. Mysal üçin:

**GÜRP**, *s. ş. aňl. söz.* Bir zat ýere gaçanda ýa-da bir zada urlanda çykýan ses.

**GÜRP-GÜRP**, *s. ş. aňl. söz.* Yzly-yzyna çykýan gürpüldili sesler.

**TARP**, *s.ş.aňl.söz.* Köwüşli aýagyň bilen batly ýörelende we ş.m. ýagdaýda çykýan ses.

**TARP-TARP**, *s.ş. aňl. söz.* Yzly-yzyna çykýan tarpyldyly sesler.

20. Tirkeş sözleriň hemme görnüşleri sözlükde baş söz edilip berildi we mysallar bilen üpjün edildi. *Beýik-beýik, gyzyl-gyzyl* ýaly tirkeşdirilip ýazylýan sözler olaryň täsir edijilik we köp gezek gaýtalanmak ýagdaýyndan ugur alnyp, tirkeş söz hökmünde baş söz edilip berildi. Mysal üçin:

**BEÝIK-BEÝIK**, *syp*. Biri-birinden beýik, biri beýlekisinden beýik, barysy beýik (köp zat hakynda). *Beýik-beýik daglar. Beýik-beýik binalar.*

**GYZYL-GYZYL** [gyzyl-ğyzyl], *syp*. Gyzaryşyp duran, gyzaryşyp görünýän (köp zadyň reňki hakynda). *Gyzyl-gyzyl horazlar, Harmandadyr, ýar-ýar!* (Toý aýdymy).

21. Sözlük makalasynyň düzülişi hakynda.

Baş söz edilip alynýan sözleriň jemi sözlügiň sözlükligini hasyl edýär. Sözlügiň sözlük makalalary aşakdaky ýaly tertipde düzüldi: Sözlükde baş söz goýy gara harplar bilen ýazyldy. Göni burçly ikigyraň (kwadrat) ýaýyň içinde [...] sözleriň dürs aýdylyşy görkezildi.

a) Sözüň manysyna täsir edýän uzynlyk ikigyraň (kwadrat) ýaýyň içinde [:] iki nokat belgisi arkaly aňladyldy. Mysal üçin:

**AT** [a:t]...

**OT** [o:t] we ş.m.

b) *Abadan, abat, oba* ýaly sözlerde gabat gelýän *b* harpy edebi aýdylyşyň düzgünlerine laýyklykda ýasy yşgalaňly goşa dodak süýkeş çekimsiz hökmünde şertli [v] belgisi arkaly şöhlelendirildi. Mysal üçin:

**ABADAN** [avada:n]...

**ABAT** [a:va:t] we ş.m.

ç) *Aga, agaç, dag, ýag* ýaly sözlerdäki g harpynyň süýkeş aýdylyşy şertli [ğ] belgisi bilen berildi. Mysal üçin:

**AGA** [a:ğa]...

**AGAÇ** [ağaç]...

**DAG** [da:ğ] we ş.m.

Sözleriň dogry aýdylyşynyň halkara transkripsiýa ýazgysyny elipbiýdäki harplar bilen görkezmek mümkinçiligi çäklidir. Şoňa görä-de, beýleki dillerde edilişi ýaly, şu sözlükde hem [v], [ğ] kimin şertli belgileri sözüň aýry-aýry orunlarynda süýkeş aýdylýan sesleri aňlatmak üçin ulanmagy maksada laýyk tapdyk.

d) Sözlükde dürs aýdylyşa mahsus bolan esasy zatlaryň biri, ýagny dodak çekimlileriň sazlaşygy hem ýörite şöhlelendirildi. Mysal üçin:

**OGLAN** [oğlon]...

**DOGAN** [doğon]...

**DOGANLYK** [doğonluk]...

**GÖRNÜKLI** [görnüklü] we ş.m.

e) Birinji bogunda ýogyn ýa-da inçe dodak çekimlisi bolan, ikinji bogunda *-y / -i* çekimlisi ýazylýan *oňyn, ýogyn; üçin, günin* ýaly sözlerde uzynlyk iki nokat [:] bilen görkezilmän, [uý] / [üý] ses düzümi bilen berildi. Mysal üçin:

**OŇYN** [oňuýn]...

**ÝOGYN** [ýoguýn]...

**ÜÇIN** [üçüýn]...

**GÜNIN** [günüýn] we ş.m.

ä) *Uly, gudratly* ýaly sözleriň soňundaky çekimliler aýdylyşda doly suratda dodaklanmaýandygy üçin, dodak çekimlileriniň sazlaşygynyň düzgünlerine eýerdilmedi. Mysal üçin:

**ULY** ...

**GUDRATLY** [gudurotly] we ş.m.

f) Sözlükde dogry aýdylyşyň düzgünlerine laýyklykda çekimsizleriň sazlaşygy, ýagny *çj, çl, ld, nb, nd, sd, şj, ts* ýaly bile gelýän çekimsizleriň biri-birine meňzeşleşip, [şş] [şl], [ll], [nm], [nn], [ss] aýdylyşy alyndy. Mysal üçin:

**BALDAK** [ballak]...
**GÜNBATAR** [günmatar]...
**ÝANDAK** [ýannak]...
**IŞÇI** [işşi]...
**SAÇLY** [saşly]...
**SÖWEŞJEŇ** [söwöşşöň] we ş.m.

Baş sözden soň dil bilimine degişli we şol sözüň ulanylyş gerimi bilen bagly sözler getirilip, olaryň käbiri gysgaldylman ýa-da şertli gysgaltmalar bilen belgilendi. Mysal üçin: *at, syp., hal, kön.s., gepl.d.* we ş.m. (Bular “Şertli gysgaltmalarda” doly görkezilendir). Söz toparlaryna degişli belliklerden soň baş söze düşündiriş berildi. Düşündirişden soň ol sözüň türkmen dilindäki ulanylyşyny delillendirýän mysallar getirildi.

Köp manyly sözleriň manylarynyň her biri sanlar bilen belgilendi. Mysal üçin:

**DYKMAK**, *işl.* **1**. Basyp-basyp, dykalap gaba salmak. **2**. Dyky we ş.m. bilen bir zadyň agzyny, deşigini berk baglamak, ýapmak, dykylamak. **3**. Güýç bilen birini ýa-da bir zady gabyň, jaýyň we ş.m. içine itip salmak, girizmek. **4**. *gepl.d.* Agzyndakyny çeýnäp ýetişmänkä, ýuwudup-ýuwutmanka ýene iýmek, açgözlük bilen iýmek.

Sözlükde türkmen diliniň baý çeper aňlatmalary giňden peýdalanyldy. Türkmen diliniň durnukly söz düzümlerini (frazeologizmleri) kesgitlemek we olary beýleki dil birliklerinden tapawutlandyrmak üçin sözlükde rombdan (◊) soň, köplenç, olar birinji sözüň elipbiý tertibine laýyklykda ýerleşdirildi we manylary mysallar arkaly delillendirildi:

**AGYZ**, *at*. ...

◊ **Agzy aşa ýetmek** ýaşaýyş derejesi, güzerany oňatlaşmak, maddy taýdan üpjün bolmak, mätäçlikden çykmak. **Agzyň bir bolmak** agzybir ýaşamak, ylalaşykly bile hereket etmek.

**DÜÝP**, *at*. ...

◊ **Düýbi düz** soňy haýyrly, ahyry oňat, ahyry gowy. *Aý, ýigitler, gürrüň köp, ýöne sesiňizi çykarmaň-da işläberiň, hemmesiniň düýbi düz* (A. Gowşudow). **Düýbüni tutmak** bir zady esaslandyrmak, bir zadyň esasyny goýmak.

Rombdan soň berilýän aňlatmalaryň göni manysy, köplenç halatda, berilmeýär, diňe göçme manylary alynýar. Aňlatma köp manyly bolanda, onuň her bir manysynyň öňünden gelýän sanyň soňundan ýaý belgisi goýulýar, soň düşündiriş we mysallar ýerleşdirilýär. Mysal üçin:

**DIL**, *at*. ...

◊ **Dil açmak 1)** gürlemek, geplemek, sözläp başlamak. **2)** dil çykaryp käbir sözleri aýdyp başlamak (çaga hakynda). **3)** geplemsek, geplegen bolmak.

Nakyllar we atalar sözi rombdan soň däl-de, baş sözüň degişli manysyndan soň delillendiriji mysal hökmünde getirildi.

22. Omonimdeş sözleriň berlişi hakynda.

Omonimler bir söz toparyna ýa-da aýry-aýry söz toparlaryna degişlidir.

1) bir söz toparyndan bolan omonimleriň manylarynda ýekeje-de meňzeş many alamaty bolmadyk ýagdaýynda ýazylyşy hem aýdylyşy birmeňzeş, emma manylary tapawutly sesdeş sözler hökmünde berildi. Mysal üçin:

**GAZ** [ga:z] **I**, *at.* Ördekler maşgalasyndan bolan suwda ýüzýän uzyn boýunly ýabany ýa-da eldeki uly guş. *Ýaşylbaş sonalar, gazlar garkyldar, Haly harap düşer köli bolmasa* (Magtymguly).

**GAZ** [ga:z] **II**, *at.* **1**. Giňişlige endigan ýaýramaga ukyply, belli bir görnüşi bolmadyk fiziki jisim. **2**. Ýyladyş, yşyklandyryş we ş.m. üçin niýetlenen gaz ýangyjynyň umumy ady.

2) aýry-aýry söz toparlaryndan bolan omonimdeş jübütleriň öz aralarynda meňzeş many alamatlary bolup-da biler, bolman-da biler, çünki olaryň aýry söz toparlaryna degişlidiginiň özi olaryň başga-başga sözlerdigini subut edýär. Mysal üçin:

**GYZYL I**, *syp.* **1.** Gan reňkine çalymdaş reňkli, gyrmyzy. **2.** Gyza dakylýan adyň birinji düzüm bölegi.

**GYZYL II**, *at.* Sary reňkli gymmatbaha metal, altyn, tylla, himiki element.

**GYZYL III**, *at.* Harman atylyp, arassalanan bugdaýyň üýşmegi, arassa, sap galla.

23. Mysallaryň berlişi hakynda.

Sözlük makalalaryna hormatly Prezidentimiziň nusgalyk kitaplaryndan alnan mysallaryň soňunda awtoryň we eseriň ady dolulygyna görkezildi. Nusgawy edebiýatyň wekilleriniň, häzirki zaman türkmen ýazyjy-şahyrlarynyň eserlerinden alnan mysallarda bolsa diňe awtoryň ady görkezilmek bilen çäklenildi. Halk döredijiliginden alnan mysallaryň alnan çesmesi ýa-da olaryň halk döredijiliginiň haýsy görnüşine degişlidigi ýaý içinde görkezildi. Dessanlar babatda aýdylanda bolsa, olaryň diňe atlary berildi.

# ŞERTLI GYSGALTMALAR

*alkyş s.* – alkyş sözi
*anat.* – anatomiýa degişli adalga
*asman j.* – asman jisimleri
*bagl.* – baglaýjy
*balykç.* – balykçylyga degişli sözler
*b.e.* – biziň eýýamymyz
*çal.* – çalyşma
*d. ý.* – demir ýol adalgasy
*deňizç.* – deňizçilik adalgasy
*derm.* – dermanlyk adalgasy
*dil b.* – dil bilimi adalgasy
*däp-dess.* – däp-dessura degişli söz
*dipl.* – diplomatik adalga
*dokm.* – dokmaçylyk adalgasy
*durm.* – durmuş ýagdaýy bilen bagly söz
*edeb.* – edebiýat adalgasy
*ekeran.* – ekerançylyk
*filos.* – filosofiýa adalgasy
*fiz.* – fizika degişli adalga
*ga* – gektar
*geogr.* – geografiýa adalgasy
*geol.* – geologiýa adalgasy
*gepl.d.* – gepleşik dili
*göd. s.* – gödek söz
*göç.m.* – göçme many
*giriş s.* – giriş sözi
*gurl.* – gurluşyk adalgasy
*haýwanat d.* – haýwanat dünýäsine degişli sözler
*harb.* – harby adalga
*hasap.* – hasap işlerine degişli söz
*him.* – himiýa adalgasy
*hukuk* – hukuk adalgasy
*işl.* – işlik
*kg* – kilogram
*k.d.* – kitap dili
*köm. s.* – kömekçi söz
*kön. s.* – könelişen söz
*küşt.* – küştçülik adalgasy
*l.* – litr
*lukmanç.* – lukmançylyk
*m.* – metr
*maliýe* – maliýe işlerine degişli adalga
*maldarç.* – maldarçylyk
*mat.* – matematika adalgasy
*min.* – mineral
*mukd. s.* – mukdar san
*oba h.* – oba hojalygyna degişli söz
*own. b.* – ownuk bölek
*ösüml.d.* – ösümlik dünýäsine degişli adalga
*s.* – sahypa
*sazç.* – sazçylyk adalgasy
*senetç.* – senetçilige degişli söz
*ser.* – serediň
*sözs. k.* – sözsoňy kömekçi
*sport.* – sport adalgasy
*s. ş. aňl. söz* – ses we şekil aňladýan söz
*sung.* – sungat adalgasy
*syp.* – sypat
*syýas.* – syýasy adalga
*şahyr.* – şahyrana söz
*t.* – tom
*taryh.* – taryhy söz
*teatr.* – teatr adalgasy
*teh.* – tehnika degişli söz
*tik.* – tikinçilik
*ugrukd.* – ugrukdyryjy söz
*üml.* – ümlük
*we b.* – we başgalar
*we ş. m.* – we şuňa meňzeşler
*ykd.* – ykdysadyýete degişli söz
*zergärç. s.* – zergärçilige degişli sözler

## TÜRKMEN ELIPBIÝI

| | |
|---|---|
| **A a** | **N n** |
| **B b** | **Ň ň** |
| **Ç ç** | **O o** |
| **D d** | **Ö ö** |
| **E e** | **P p** |
| **Ä ä** | **R r** |
| **F f** | **S s** |
| **G g** | **Ş ş** |
| **H h** | **T t** |
| **I i** | **U u** |
| **J j** | **Ü ü** |
| **Ž ž** | **W w** |
| **K k** | **Y y** |
| **L l** | **Ý ý** |
| **M m** | **Z z** |

# A

**A** [a:] **I**, Türkmen elipbiýiniň birinji harpy.

**A** [a:] **II**, Goşulyp gelýän sözüniň nygtalýandygyny görkezmek üçin ulanylýan ownuk bölek. *Ýog-a, Köse, ol aýdýanyň-a bolmaz, derrew atlan!* (“Görogly”).

**A I**, Birine ýüzlenilende, köplenç, aýal-gyzlar tarapyndan ulanylýan ümlük. – A, *gyz, doňup galaýan-a dälsiň! Näme öz-özüň ýylgyryp dursuň?* (Ş. Geldiýewa. –*A gyz, joralaryňa garaşaweri!*

**A II**, *gepl.d.* Garşylykly many aňladyp gelýän baglaýjy. *Sen meniň kimdigimi myhmana tanatdyň, a myhmanyň kimdigini maňa tanatmadyň* (B. Kerbabaýew).

**AB** [a:p], *at, k.d.* Suw. *Ab kibi rowan gelur, Ýaş kibi dowan gider* (Nesimi). *Içmegil, beýhuda aby, Yşkyň meýinden gana sen* (Talyby). *Ne derýadyr, ne ummandyr, ne abdyr? Katrasyndan içe bilmen, bu nedir?* ("Nejep oglan").

**ABA** [ava], *at.* **1**. *kön.s.* Kaka. *Aljyran aýal ärine aba diýer* (Nakyl). **2**. Oglana dakylýan at.

**ABADAN** [avada:n], *syp.* **1**. Hemme zat ýerbe-ýer, tertipli, gurnalan. *Abadan ýurt. Narynjy, turunjy, leýmun, almalar, Bir abadan jaýa duşdum, ýaranlar* (Magtymguly). **2**. Abat. *Il abat, men abat.* **3**. *göç.m.* Dawa-jenjelsiz, uruşsyz, asuda, parahat, dynç. *Ülkämiz abadan bolsa ýaňadan, Altyn-kümüş berer öňküden beter* (B. Kerbabaýew). **4**. Gyza dakylýan at. **5.** Aşgabat şäherindäki bir etrabyň ady.

**ABADANÇYLYK** [avada:nçylyk], *at.* **1**. Parahatlyk, asudalyk. *Hemmäniň gije-gündiz edýän pikiri-de abadançylykdyr* (B.Seýtäkow). **2.** Saglyk-amanlyk, gurgunçylyk, başybitinlik. *Hemme uly-kiçi abadançylykmydyr?* (B.Kerbabaýew). **3.** Oňlulyk, gowulyk. *Henize çenli adamçylygyň, abadançylygyň gyrasynda görünmeýän Jepbara meňzeş adamlardan onuň tamasy şeýledi* (B. Kerbabaýew). **4.** Ýerbe-ýer ediş, düzgün-tertibe salyş, abadanlaşdyryş. *Abadançylyk işleri.*

**ABADANLAŞDYRMA** [avada:nlaşdyrma], *iş ady.* Abadanlaşdyrmak ýagdaýy.

**ABADANLAŞDYRMAK** [avada:nlaşdyrmak], *işl.* Abadan etmek, tertibe salmak, timar bermek, ýerbe-ýer etmek. *Obany abadanlaşdyrmakda bu zähmetsöýer adamlar uly işler bitirdi* ("Edebiýat we sungat").

**ABADANLAŞDYRMAKLYK** [avada:nlaşdyrmaklyk], *iş ady.* Abadanlaşdyrmak ýagdaýy.

**ABADANLAŞDYRMAZLYK** [avada:nlaşdyrmazlyk], *iş ady.* Abadanlaşdyrmak işini ýerine ýetirmezlik.

**ABADANLAŞDYRYLMAK** [avada:nlaşdyrylmak], *işl.* Abadan edilmek, tertibe salynmak, ýerbe-ýer edilmek. *Abadanlaşdyrylan ýaşaýyş jaýy*.

**ABADANLAŞMA** [avada:nlaşma], *iş ady.* Abadanlaşmak ýagdaýy.

**ABADANLAŞMAK** [avada:nlaşmak], *işl.* **1**. Abadan görnüşe girmek, abadan bolmak. *Oba-şäherlerimiz ýyl-ýyldan abadanlaşýar.* **2**. Rahatlyk, dynçlyk aralaşmak, asuda bolmak. *Dünýäler abadanlaşdy, güzeran ýeňilleşip başlady* (T. Gurbanow).

**ABADANLAŞMAKLYK** [avada:nlaşmaklyk], *iş ady.* Abadanlaşmak ýagdaýy.

**ABADANLAŞMAZLYK** [avada:nlaşmazlyk], *iş ady.* Asuda, abadan, parahat bolmazlyk.

**ABADANLAŞYBERMEK** [avada:nlaşyvermek], *işl.* Abadan bolup başlamak.

**ABADANLAŞYŞ** [avada:nlaşyş], *iş ady.* Abadanlaşmak ýagdaýy.

**ABADANLYK** [avada:nlyk], *at, ser.* **Abadançylyk**. *Halkymyz asuda-abadanlyk ýoluny saýlap aldy*.

**ABADRAK** [a:va:dra:k], *syp.* Azda-kände abat. *Gap-gaçlaryň abadragyny saýlap goýuň.*

**ABANDYRMAK** [a:vannyrmak], *işl.* **1.** Biriniň abanmagyna ýol bermek. *Birini üstüňe abandyrmak.* **2**. Abanyp durar ýaly etmek, abanyp durmaga mejbur etmek.

**ABANMA** [a:vanma], *iş ady.* Abanmak ýagdaýy.

**ABANMAK** [a:vanmak], *işl.* **1**. Dik duran ýeriňden biriniň ýa-da bir zadyň üstüne egilmek; bir uly, beýik zat özünden kiçi zadyň üstünde haýbatlanyp durmak, galyp durmak. *Seňrikläp, abanyp duran gaýalar, Öňi-ardy, sagy-soly Gürgeniň* (Magtymguly). *Ol gamçysyny howada gaharly gezdirip, onuň üstüne abandy* (G. Kulyýew). **2**. *göç.m.* Gozgalaň salmak, alada galmak. *Abanyp gelen gara bulut gelşi ýaly hem geçip gitdi* ("Edebiýat we sungat").

**ABANMAKLYK** [a:vanmaklyk], *iş ady.* Abanmak ýagdaýy.

**ABANMAZLYK** [a:vanmazlyk], *iş ady.* Abanyp durmazlyk; gozgalaň-howp salmazlyk *Abanmasyn diýip atom belasy, Beýgelýär dynçlygyň beýik galasy* ("Ýodadan ýola").

**ABANYŞ** [a:vanyş], *iş ady.* Abanmak ýagdaýy.

**ABANYŞMAK** [a:vanyşmak], *işl.* **1**. Birnäçe bolup abanmak. *Şonda olar ýaraly köpegiň üstüne abanyşyp*

*durdular* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Birnäçe uly, beýik zat özlerinden kiçi zadyň üstünden abanyp durmak. *Beýik dagyň kert gaýalary üstümizden abanyşyp durdy.*

**ABAT** [a:va:t], *syp.* **1**. *ser.* **Abadan**. *Iki dünýäň abat bolsun!* (Alkyş sözi). **2**. Zaýa bolmadyk, döwük-ýenjik däl, bitin. *Eliň abat,aýagyň abat, işdäň sag, göwräň hiç bir adamyňkydan pes däl* (A. Durdyýew). **3**. Rejeli, tertipli, düzgüne salnan, oňat gurnalan. *Köçelerimiz diýseň abat, görmäge göz gerek.* **4**. Ölüm-ýitimsiz, başybitin. *Sürüdäki dowarlar gyşdan abat çykypdyr* ("Edebiýat we sungat"). **5**. Gyza dakylýan at.

**ABATLAÝYŞ** [a:va:tlaýyş], **1**. *iş ady.* Abatlamak ýagdaýy. **2**. Döwlen, hatardan çykan zatlary bejermek bilen bagly iş ýagdaýy. *Düşen girdejiniň hasabyna abatlaýyş, gurluşyk işleri geçirilýär* ("Türkmenistan").

**ABATLYK** [a:va:tlyk], *at.* **1**. Parahatlyk, asudalyk, dynçlyk. *Ýurt abatlygy uludan-kiçi hemmäniň ýürekde besleýän ilkinji arzuwydyr*. **2**. Bitinlik, döwük-ýenjik dällik, ýerbe-ýerlik. *Çäýnek-käseleriň abatlygy.*

**ABAÝ** [avaý], *at.* Biriniň üstüne gaharly gygyryş, gorkuzmak, çekindirmek üçin haýbat, hemle, azm. *Sorag gidýär dar türmede, Abaý-da bar, syýasat bar* (Ç. Aşyr).

◊ **Abaý etmek** çekindirmek, gorkuzmak üçin azm urmak, haýbat atmak.

**ABAÝ-SYÝASAT** [avaý-syýa:sat], *at.* Adamy eýmendirmek, çekindirmek maksady bilen edilýän hereket, haýbat, hemle, azm. *Eger elden geler-gelmez her bir iş, Abaýu-syýasat duşmana ýagşy* (Zelili).

**ABDAL** [avda:l], *at, kön.s.* **1**. Derwüş, galandar. *Ner kibi bolgaý ýamanlarda gözi, Halk arasyn gezgeý abdal tek özi* (Döwletmämmet Azady). *Ahyr meni abdal eýlär, Seniň gözleriň, gözleriň* ("Asly–Kerem"). **2**. Oglana dakylýan at.

**ABLAK** [avlak] **I**, *syp.* Gyzyl ýüzli, gyzyl meňiz. *Aýjemalym ablak ýüzli maralym* (Kemine). *Ala gözli ablak Saýat, Saňa näm boldy, näm boldy?* (Seýdi).

**ABLAK** [avlak] **II**, *at, kön.s.* Ala, çypar (at hakynda). *Girmedi meýdana ýar, ablagyn segretmedi* (Gaýyby).

**ABRAÝ** [a:vraý], *at.* Halal zähmet, belent adamkärçilik, ata-babaň ýagşy adyna çirk getirmän, abraýyny saklap gazanylan hormat-sylag, şan-şöhrat. *Yslam, dogrusy, paýhasly ýigitdi, oňadam okaýardy, ýoldaşlarynyň ýanynda abraýam ýok däldi* (T. Gurbanow).

◊ **Abraýdan düşmek** *ser.* **Abraýy gaçmak**. *Onuň abraýdan düşüp, masgara bolasy gelenok*. **Abraýa eýe bolmak** oňat ada eýe bolmak, hormat-sylagy gazanmak, gadyrly, arzyly bolmak. *Abraý tapmajagyny bilmän telbemi ol?* ("Görogly"). **Abraýy gaçmak** sylag-hormatdan mahrum bolmak, ynamdan gaçmak, iliň gözünden düşmek. **Abraýyny dökmek** *ser.* **Abraýyny gaçyrmak** biriniň hormatyny gaçyrmak, sarpasyna şek ýetirmek.

**ABRAÝLAMA** [a:vyraýlama], *iş ady.* Abraýlamak ýagdaýy.

**ABRAÝLAMAK** [a:vyraýlamak], *işl., gepl.d.* Haýsydyr bir dabaranyň, çäräniň abraýly geçmegine ýardam etmek. *Sen toýa goşant edip abraýlaýdyň, bolmasa kyn ýagdaýda galardyk.*

**ABRAÝLAMAKLYK** [a:vyraýlamaklyk], *iş ady.* Abraýlamak ýagdaýy.

**ABRAÝLAMAZLYK** [a:vyraýlamazlyk], *iş ady.* Abraýa eýe etmezlik.

**ABRAÝLAÝYŞ** [a:vyraýlaýyş], *iş ady.* Abraýlamak ýagdaýy.

**ABRAÝLY** [a:vyraýly], *syp.* Abraýy bar bolan, sylag-hormata mynasyp, sarpasy saklanýan, sylagly, hormatly, adamkärçiligiň iň ýokary derejesine eýe bolan. *Abraýly adam. Orazsoltan, menem-ä siziň abraýly ýeriňize şärikdirin* (H. Derýaýew).

**ABRAÝLYLYK** [a:vyraýlylyk], *at.* Abraýy barlyk, sylag-hormata eýelik, uly hormata, sylaga mynasyplyk.

**ABRAÝLYRAK** [a:vyraýlyra:k], *syp.*, *hal.* Belli derejede abraýly.

**ABRAÝSYZ** [a:vyraýsyz], *syp.* Abraýy bolmadyk, abraýy ýok, il içinde hormat goýulmaýan, sylanmaýan, sylagsyz, abraýdan düşen. *Abraýsyz adam.*

**ABŞANAKLAMA** [avşanaklama], *iş ady.* Abşanaklamak ýagdaýy.

**ABŞANAKLAMAK** [avşanaklamak], *işl.* Aýaklaryň arasyny birneme köweldip, açybrak ýöremek, satanyňy giňräk açyp ýöremek. *Şatyr beg aýaklanmadyk köşek ýaly, abşanaklap, onuň yzyndan ylgady* (G. Kulyýew).

**ABŞANAKLAMAKLYK** [avşanaklamaklyk], *iş ady.* Abşanaklamak ýagdaýy.

**ABŞANAKLAMAZLYK** [avşanaklamazlyk], *iş ady*. Abşanaklamak ýagdaýyna geçmezlik.

**ABŞANAKLAŞMAK** [avşanaklaşmak], *işl.* Birnäçe bolup abşanaklap ýöremek.

**ABŞANAKLAÝYŞ** [avşanalaýyş], *iş ady.* Abşanaklamak ýagdaýy.

**ABŞARMA** [avşarma], *iş ady.* Abşarmak ýagdaýy.

**ABŞARMAK** [avşarmak], *işl.* Aýaklaryň arasyny giň açyp durmak. *Ýaňyrak botlan düýe köşegini ysyrganyp abşaryp dur* (B. Kerbabaýew).

**ABŞARMAKLYK** [avşarmaklyk], *iş ady.* Abşarmak ýagdaýy.

**ABŞARTMAK** [avşartmaklyk], *işl.* Aýaklaryň arasyny giňden açyp goýmak.

**ABŞARYLMAK** [avşarylmak], *işl.* Abşaryp duran ýagdaýda bolmak. *Başlygyň nazary özüne düşende, ammarçy oturgyjyna sygman abşarylyp oturan ýerinden söze goşuldy* (G. Gurbansähedow).

**ABŞARYŞ** [avşaryş], *iş ady.* Abşarmak ýagdaýy.

**ABŞARYŞMAK** [avşaryşmak], *işl.* Köp bolup, köpçülikleýin abşarmak.

**ABTAP** [a:pta:p], *at, k.d.* Günüň düşüp duran ýeri, güneş ýer. *Äleme dessan edip, abtaba serdi meni* (Magtymguly).

**ABUNA** [abu:no], *at.* Gündelik, döwürleýin metbugat neşirlerine ýazylyşyk.

◊ **Abuna ýazylmak** gündelik metbugat neşirlerine ýazylmak. *Sizde abuna ýazylmak işi nähili alnyp barylýar?*

**ABUNAÇY** [abu:noçy], *at.* Gündelik metbugata ýazylan adam.

**ABY-HAÝÝAT** [a:by-haýýa:t], *at, k.d.* **1**. Ýaşaýyş, dirilik suwy (gadymdan gelýän düşünjelere görä, bu suwdan içen ynsan ebedi ýaşaýarmyş). *Ölüm bolmaz aby-haýýat içene, Lebiň sorup, inçe bilden guçana* (Aşyky). **2**. *göç.m.* Söýgüli. *Dök etekden daşyňy, aby-haýýatym, gitmegil, Bizi bu gamda goýup, nurbat-amanym, gitmegil* (Talyby).

**ABY-KÖWSER** [a:by-köwsör], *at, k.d.* **1**. Jennet çeşmesiniň suwy. *Akar uçmah içinde aby-köwser* (Nesimi). **2**. *göç.m.* Örän süýji, şirin. *Aby-köwser narydan, Boldum men aman, farsyýa* (Mollanepes). *Lebiň aby-köwserdir, ýüzüň aý bile gün dek, Kast edip jan almaga, degme zynhary, dilber* (Zelili).

**ABYNY-TABYNY** [a:vyny-ta:vyny]**: abyny-tabyny almak (bilmek)** bir zadyň ugruny, tilsimini öwrenmek, nähili iş salyşmalydygyny, işiň tärini ele almak, ebeteýini tapmak, ýagdaýyny bilmek.

**ABY-ROWAN** [a:bu-rowa:n], *at, k.d.* **1**. Akar, akaba suw. **2**. *göç.m.* Gözýaş. *Akdy gözümden aby-rowanym* ("Saýatly – Hemra"). *Hasratynda sahypjemal ýarymyň, Akar eşkim, aby-rowandyr meniň* (Zelili).

**ABYRSYZ** [a:vyrsyz], *syp.* Ymgyr köp, ummasyz. *Abyrsyz köp zähmet çekmek.*

**ABYR-ZABYR** [avyr-zavyr], *at.* Gorkuzmak, çekindirmek üçin birine atylýan haýbat. *Magtymguly Abdylmejit hanyň abyr-zabyryna ähmiýet bermedi* (G. Kulyýew).

◊ **Abyr-zabyr etmek** çekindirmek üçin buýruk beriji äheňde birine bir zatlar aýtmak. *Abyr-zabyr edip durmasaň, käbir adam diýeniňi hem etjek däl.*

**ABY-ZEMZEM** [a:by-zemzem], *at, k.d.* Käbedäki Zemzem çeşmesiniň suwy. *Aby-zemzem suwy, çeşme-bulagy, Amanmyka gözelleriň awlagy* (Magrupy).

**ABY-ZÜLAL** [a:by-züla:l], *at, k.d.* Dury, arassa suw. *Ne şekerden damgan aby-zülal sen?* (Mollanepes). *Bagtym gaflat içre oýanmaz, ganmaz, Lebi şeker, aby-zülalym bardyr* (Zelili).

**ABZAL** [avza:l], *at.* Esbap, gural, enjam. *Aman gerek abzallary aldy.*

**ABZALLAŞDYRMA** [avza:llaşdyrma], *iş ady.* Abzallaşdyrmak işi.

**ABZALLAŞDYRMAK** [avza:llaşdyrmak], *işl.* Gerekli abzallar, gurallar, enjamlar bilen üpjün etmek.

**ABZALLAŞDYRMAKLYK** [avza:llaşdyrmaklyk], *iş ady.* Abzallaşdyrmak ýagdaýy.

**ABZALLAŞDYRMAZLYK** [avza:llaşdyrmazlyk], *iş ady.* Abzallaşdyrmagy amal etmezlik.

**ABZALLAŞDYRTMAK** [avza:llaşdyrtmak], *işl.* Abzallaşdyrmak işini başga birine etdirtmek, ýerine ýetirtmek.

**ABZALLAŞDYRYBERMEK** [avza:llaşdyryver-mek], *işl.* Abzallaşdyrmaga girişmek.

**ABZALLAŞDYRYLMAK** [avza:llaşdyrylmak], *işl.* Abzallaşdyrmak işini edip bolmak, amal edilmek, ýerine ýetirilmek. *Mekdebiň oňat abzallaşdyrylan edebiýat otagy bar.*

**ABZALLAŞDYRYŞ** [avza:llaşdyryş], *iş ady.* Abzallaşdyrmak ýagdaýy.

**AÇ** [a:ç] **I**, *syp.* Dok bolmadyk, zat iýmedik açlygy başdan geçirýän ynsan ýa-da haýwan. *Ajyň aňy bolmaz* (Nakyl). *Aç towuk düýşünde dary görer* (Nakyl). **2**. Garyp, pakyr-pukara. *Açda algyň, bege bergiň bolmasyn. Iş müşgildir, aňlamaza duş gelse* (Magtymguly).

◊ **Aç eşege ýük** çökder, agyr, agramy gereginden artyk. **Aç ölmek** ajygyp halys bolmak, ysgyndan düşmek, surnukmak. *Ajygan ölmez, alňasan öler* (Nakyl).

**AÇ** [a:ç] **II**, *at, kön.s.* Piliň dişi, piliň süňki.

**AÇ-AÇAN** [aç-aça:n], *syp.* Açykdan-açyk, aýdyňdan-aýdyň, dogry, aýan.

**AÇ-AÇANLYK** [aç-aça:nlyk], *at.* Aýanlyk ýagdaýy. *Dostlukly döwletleriň baştutanlarynyň duşuşygy özüniň aç-açanlygy we ýürekdeşligi bilen ýatda galar...* ("Türkmenistan").

**AÇ-AÇANRAK** [aç-aça:nyra:k], *syp.* Ýarym-ýalta aç-açan, doly däl aç-açan. *Aç-açanrak gürleşmek. Aç-açanrak hereket etmek.*

**AÇALAK-ÝUMALAK** [açalak-ýumolok]**: gözüňi açalak-ýumalak etmek** ýaňy ukudan açylan ýaly, gözleriňi çalaja bir açyp, bir ýummak.

**AÇAR**, *at.* **1**. Gapyny, gulpy açmak, gulplamak üçin ýöriteleşdirilen demir guraly. **2**. Nurbatlary we ş.m. towlamak üçin enjam. *Ata, on ýedilik açaryň barmy?* **3**. *göç.m.* Bir zadyň ýoluny açmak, ele almak, bir zada yhlas etmek üçin tilsim, tär, ýol. *Kitap ylymlaryň açarydyr.*

**AÇDYRMAK** [aşdyrmak], *işl.* Açmak işini başga birine etdirmek. *Dükany açdyrmak. Gulpy açdyrmak. Böwedi açdyrmak. Sahnany açdyrmak.*

**AÇGÖZ** [a:çğöz], *syp.* Baýlygy hemme zatdan ileri tutýan, mal-mülk diýip ölüp-öçüp barýan, nebsewür, betnebis.

**AÇGÖZLÜK** [a:çğözlük], *at.* Baýlygy hemme zatdan ileri tutmaklyk, nebsewürlik, betnebislik.

**AÇGÖZLÜLIK** [a:çğözlülük], *at, ser.* **Açgözlük**.

**AÇ-HOR** [a:ç-ho:r], *syp.* Hor-homsy, açlykdan ýaňa horlanýan.

**AÇLYK** [a:şlyk], *at.* **1**. Dok bolmazlyk, açlyk ýagdaýy. **2**. Hasylsyzlyk, guraklyk netijesinde galla, däne ýetmezçiligi, iýmit gytçylygy, azyk gahatlygy. *Dokluk näme diýdirmez, açlyk näme iýdirmez* (Nakyl). *Uruş ýyllarynyň çagalary açlyk belasyndan habarlydyrlar.*

**AÇMA**, *iş ady.* Açmak ýagdaýy.

**AÇMAK**, *işl.* **1**. Ýapyk zady açyk görnüşde goýmak. *Penjiräni açmak*. **2.** Gulplanýan zatlaryň gulpuny we ş.m. aýyrmak. *Ol gulpy aýryp, gapyny açdy*. **3**. Eplengi ýuka zady ýazyp goýmak, ýazmak. *Saçagy ýazmak.* **4**. Gep-gürrüňe başlamak, gep-gürrüňi gozgamak. *Biz gapyň agzynda öz aramyzda jedel açmalyň* (B. Kerbabaýew). **5**.Ýerleri özleşdirmek. *Boz ýerleri açýarlar* ("Edebiýat we sungat"). **6**. Biriniň başyndaky, agzyndaky zady we ş.m. syrmak, ýuwaşjadan serpmek. *Ýigit iki eli bilen gelniň ýüzüni açdy*. **7**. Açyk diýip yglan etmek, başlamak. *Müdir ýygnagy açýar*. **8**. Möhletleýin saklanylýan bir zadyň üstündäki örtügini aýyrmak, üstüni açmak. *Ýere gömlen käşiriň üstüni açyp gördüler.* **9**. Äşgär etmek, mälim etmek, ýüze çykarmak. *Öz syryny özi açdy.* **10**. Daňlan zady çözmek. *Ol düwünçegi açdy.* **11**. Hal işligiň şekilini kabul eden *açmak* işliginden soň *bermek, görmek, bilmek* ýaly kömekçi işlikler gelip, täze many öwüşginli düzümli işlikler ýasalýar: **Açyp barmak** gidip barşyna açmagy dowam etmek. **Açyp bermek** başga biri üçin açmak işini özüň etmek, özüň ýerine ýetirmek. *Ýaş ýigit ýaşy segsenden agan oraşan aýala öýüň gapysyny açyp berdi.* **Açyp bilmek** açmagy başarmak, açmagyň hötdesinden gelmek. **Açyp görkezmek** ýüze çykarmak, aýdyň etmek, düşündirmek. *Edebiýatçy alym Magtymgula bagyşlanan kitabynda şahyryň çeper diliniň täsinligini açyp görkezdi.* **Açyp görmek** ýapyk zadyň agzyny açyp, içindäkini gözüň bilen görmek. *Bukjany açyp görmek*. **12**. Käbir atlaryň yzyndan gelip, düzümli işlikler ýasalýar: **Söz açmak** gürrüňe başlamak, gürläp ugramak. *Etrap häkimliginiň wekili pagtaçylykdan söz açdy*. **Üstüni açmak** aýan etmek, äşgär etmek, ýüze çykarmak. *Jenaýatyň üstüni açmak*. **Ýer açmak** öň ekin ekilmedik ýerden ekerançylyk üçin ýerleri taýýarlamak.

◊ **Göwün açmak** *ser.* **Göwün**. *Göwün açmak islegi "Ylham" seýilgähine gezelenje gitmegime sebäp boldy.* **Gözüni açyp göreni** bütin ömrüne bar göreni. *Atamyň gözüni açyp göreni horluk bolupdyr*.

**AÇMAKLYK**, *iş ady.* Açmak ýagdaýy.

**AÇMAZLYK**, *iş ady.* Açmak işini etmezlik, ýerine ýetirmezlik. *Ol bada-bat gapyny açmady.*

**AÇMAŇYZ** [a:çmaňyz], *syp.* **1**. Dok däl, maňzy doluşmadyk. *Çabga ýaly eňýän açmaňyz gyzyl bugdaýlar aýaklarynyň töwereklerine paýrap düşdi* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Işdämen, näme görse ýalmap-ýuwdup barýan, dokmäde bolmadyk, horan adam. *Açmaňyz adam.*

**AÇMAZ**, *at, küşt.* Küşt oýnunda bir tilsim.

**AÇYBERMEK** [açyvermek], *işl.* Açyp başlamak.

**AÇYGRAK** [açyğra:k], *syp.* **1.** Çala açyk; biraz açyk, birneme açyk. *Gapyny doly ýapma-da, açygrak goý. Açygrak ýer*. **2.** Goýy, dok däl reňk. *Güljanyň köýneginiň reňki açygrakdy.*

**AÇYK**, *syp.* **1**. Bekli däl, ýapyk däl, bagly däl. *Seniň üçin hemişe gapymyz açykdyr.* **2**. Dury, bulutsyz, kir-kimirsiz. *Güýzüň açyk günleriniň biridi.* **3**. Belli, gönüden-göni, göni, aýdyň, anyk. *Açyk bir zat diýmäýin.* **4**. Gözýetim, töwerek alaň-açyk, boş, ýalazy. *Olar tokaýyň içindäki açyk ýere çykdylar* ("Edebiýat we sungat"). **5**. Esli aradaşlykda ýerleşýän, daş, uzak, ýakyn bolmadyk. *Çukuryň arasyny açyk gazdy*. **6**. Gizlin däl. *Gelen adam açyk gelýärdi ahyry* (B. Seýtäkow). **7**. Örtülgi bolmadyk, ýalaňaç. *Ol aýak ýalaň, baş açyk ylgap barýar*. **8**. Açyk, anyk syýasaty ýöretmek. *Açyk gapylar syýasaty*. **9.** *göç.m.* Tutuk däl, sap, päk, mähirli. *Onuň ýüzi mähirlidi, açykdy*.

**AÇYK-AÝDYŇ** [açyğ-a:ýdyň], *syp., göç.m.* Açyk, aýdyň, äşgär. *Näme işlejegem bolsaň, pikiriňi açyk-aýdyň etmeli-dä.*

**AÇYKDAN-AÇYK**, *syp.* Gös-göni, dos-dogry, gönüden-göni, aýdyň. *Açykdan-açyk aýtmak.*

**AÇYKLYK**, *at.* **1**. Giden giň ýer, tekizlik, boşluk. *Ýol gündogara sowlup, açyklyga çykdy.* **2**. Ýüregi saplyk, göwni arassalyk, päklik. *Ol goly açyklyk bilen myhmanlary kabul etdi.* **3**. Ýapyk dällik. *Gapynyň açyklygy hem gowy zat.* **4**. Howanyň bulutsyzlygy, ümürsizligi. *Howanyň açyklygy göwnüňe teselli berýär.* **5**. Aýanlyk, aşgärlik, aç-açanlyk. *Ynsanperwerlik, açyklyk, din erkinligi, beýleki halklaryň medeniýetine sarpa goýmak ýaly ýörelgeler türkmen häsiýetiniň esasyny düzýär* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr").

**AÇYLGANLYK** [açylğanlyk], *at.* Howanyň bulutsyzlygy, ýagynsyzlygy, maýyllygy. *Açylganlygyň öz janyna nähili gowy ýaraýandygyny ol duýýardy*.

**AÇYLMAK**, *işl.* **1**. Ýapylýan, gulplanýan zatlaryň gulpuny we ş.m. aýyrmak ýagdaýy. *Tamyň gapysy açyldy.* **2**. Eplengi zat ýazylmak. *Şemala depderiň sahypalary açylyp gitdi.* **3**. Gep-gürrüňe başlamak. *Şygyrdan söz açyldy.* **4**. Özleşdirilmek (tarp ýer hakynda). *Täze-täze ýerler açylýar.* **5**. Başdaky gyňajy, agyzdaky ýaşmagy, ýüzdäki nikaby we ş.m. syrylyp, ýuwaşjadan aýrylmak. **6**. Başlanmak, açyk diýlip yglan edilmek (ýygnak hakynda). *Ýygnak ir bilen açyldy.* **7**. Bagly, daňylgy, düwlen zady çözmek. *Toýpaý berlen düwünçek hem açyldy.* **8**. Ýazgyn hala geçmek, açylmak (gül hakynda). *Bahar geldi, gül açyldy, Meniň gülüm açylmazmy?* ("Şasenem – Garyp"). **9**. *göç.m.* Keýpi kök bolmak, keýpi saz bolmak, geçisi ýaýramak, gül-gül açylmak. *Çaý degen wagty käwagt açylyp, gürrüň ediläýmesem bar* (H. Garabaýew).

**AÇYLYŞMAK**, *işl.* **1**. Kem-kemden açylmak, yzly-yzyna açylmak, açylyp ugramak. *Ýagşa otlaryň ýüzi ýuwlup, dürli güller açylyşypdy*. **2**. Aýrylyşmak, biri-birinden daşlaşmak, maşgalany bozmak. **3**. Howa ümürsiz-dumansyz bolup başlamak, kem-kemden durlanmak, arassalanmak. *Ýagan ýagmyrdan soň howa açylyşdy we läbikli suwlar durlandy.* **4**. Kem-kemden sagalmak, aýňalmak, gutulyp başlamak, bäri bakmak. *Ol indi dümewden açylyşdy.* **5**. Bir zadyň ýygyrdy, epini ýazylyşmak, ýazgyn ýagdaýa geçmek. *Ýygyrdy ýazylan köýnek. Buýrasy açylyşan telpek.* **6**. *göç.m.* Keýpi kem-kemden kök bolmak, keýpi saz bolup başlamak. *Elkyssa, Elbent bagşy bu sözüni tamam edip, Sona gelniň açylyşmagyna garaşdy* ("Nejep oglan"). **7**. Ýüze çykan dawanyň bellisini etmek, ony çözmek. *Goňşyňyz bilen ýer dawaňyz bar ýalydy-la, açylyşyp bildiňizmi?*

**AÇYM**, *at*. Tarada dokalýan matanyň dokalan ýeriniň gazygyň daşyna aýlanan bir aýlawy.

**AÇYNMAK**, *işl.* **1**. Özüň üçin açmak. *Ol dagyň eteginden ekin ýer açyndy.* **2**. Üstüňdäki ýapynjaňy aýyrmak.

**AÇYŞ I**, *iş ady.* Açmak ýagdaýy.

**AÇYŞ II**, *at*. Oýlap tapyş, täze bir zady dörediş. *Ylmy açyşlar.*

**AÇYŞDYRMAK**, *işl.* Yzly-yzyna açmak, bir ýanyndan açyp çykmak, bir ýan ujundan açmak. *Garry kitabyň içini açyşdyryp gördi, ýüzüne syldy* (N. Saryhanow).

**AÇYŞMAK**, *işl.* **1**. Açmaga kömek etmek. *Ol ejesine körek açyşdy. Täze ýer açyşmak.* **2**. Birnäçe bolup bilelikde açmak. *Oglanlar ýapyk penjireleri açyşyp ýör.*

**AÇ-ÝALAŇAÇ** [a:ç-ýalaňaç], *syp.* Aç hem hor-homsy, garyp galan (adam hakynda). *Aç-ýalaňaç ýetim-ýesirleri ýok.*

**ADA** [a:da], *at.* Daş-töweregi suw bilen gurşalan gury ýer bölegi.

**ADAGLAMA** [a:dağlama], *iş ady.* Oglany we gyzy ýaşlygyndan biri-birine adaglama däbi; geljekki gelinligi bellemek dessury; adaglamak ýagdaýy.

**ADAGLAMAK** [a:dağlamak], *işl.* Oglany we gyzy ýaşlygynda biri-birine adagly etmek. *Men seni patyşanyň gyzyna adaglap, ondan ähtnama alandyryn* ("Şasenem – Garyp").

**ADAGLAMAKLYK** [a:dağlamaklyk], *iş ady.* Adaglamak ýagdaýy.

**ADAGLANMAK** [a:dağlanmak], *işl.* Adagly bolmak.

**ADAGLAÝYŞ** [a:dağlaýyş], *iş ady.* Adaglamak ýagdaýy.

**ADAGLY** [a:dağly], *syp. kön.s.* Adaglamak däbi boýunça geljekde biri-biri bilen durmuş gurmaly edilip bellenilmek, birine adaglanmak. *Adagly etmek. Adaglysyna bermek. Seniň başdan adaglyň men! Kän gepletme mundan aňry!* (K. Gurbannepesow).

**ADAGLYLYK** [a:dağlylyk], *at.* Adaglanan ýagdaýda bolmaklyk.

**ADAJA** [a:daja], *syp.* **1**. Çalaja, pessaý. *Adaja şemal öwüsýärdi* (T. Gurbanow). *Sag kenaryň sümmülleri şemala adaja tolkun atyp, birgeňsi sary deňzi ýada salýar* ("Türkmenistan"). **2**. *sazç.* Sadadan, pessaý ses bilen.

**ADAJYK** [a:dajyk], *syp., ser.* **Adaja 1**. *Bulutsyz howada adajyk öwüsgin bardy*.

**ADAK** [a:dak], *at, gepl.d.* Daşgyn wagtynda derýa kenarlarynyň suw basýan ýerleri ýa-da derýa gollarynyň arasynda galýan kiçijik adajyk.

**ADAK**, *at, kön.s.* Aýak.

◊ **Adak araba** çagalaryň ýörjen-ýörjen wagty ýöremegi öwrenmek üçin sürýän arabasy.

**ADALAT** [ada:lat], *at.* Hakykat, her bir pursatda dogry hereketi aňladýan düşünje.

**ADALATLY** [ada:latly], *syp.* **1**. Adalata esaslanýan. **2**. Dogry, dürs, talabalaýyk.

**ADALATLYLYK** [ada:latlylyk], *at.* Adalatly bolmaklyk . *Dostluk, doganlyk, agzybirlik, adalatlylyk, parahatçylyk ýoly bilen ýöräp, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistany kuwwatly, beýik döwlete öwürmekde mähriban halkyma bil baglaýaryn* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr").

**ADALATSYZ** [ada:lassyz], *syp.* **1**. Adalatyň tarapyny tutmaýan, adalatly bolmadyk, hakykata laýyk hereket etmeýän. *Ol özüne ýöňkelýän aýbyň adalatsyzdygyny, ýüreginiň kireňsizdigini öz-özüne subut etjek bolýar* (N. Jumaýew). **2**. Dogruçyl däl, hakykatçy bolmadyk.

**ADALATSYZLYK** [ada:lassyzlyk], *at.* Adalatly bolmazlyk, adalata esaslanmazlyk.

**ADALGA** [a:dalğa], *at.* Ylymda, tehnikada, sungatda, edebiýatda we ş.m. bir zadyň, düşünjäniň ady hökmünde kabul edilen, esasan, bir manyly söz ýa-da söz düzümi, termin.

**ADALYK** [a:dalyk], *at, geogr.* Biri-birine ýakyn ýerleşýän köp sanly deňiz adalarynyň topary, arhipelag.

**ADAM** [a:dam], *at.* **1**. Pikirlenmäge we geplemäge, şonuň ýaly-da oýlap tapmaga, gural döretmäge hem-de durmuşda ondan peýdalanmaga ukyby bolan ynsan. **2**. Jemgyýetiň agzasy, şahsyýet, adamlaryň biri, kişi. *Älem içre adam gezmez, at gezer* (Nakyl). *Dag daga duşmaz, adam adama duşar* (Nakyl). *Adam bar, müň tümen iýdirseň azdyr, Bardyr adam, iýen nanyna degmez* (Magtymguly). **3.** Ýan-ýoldaş, ýassykdaş, är (düýp söze birinji, ikinji we üçünji şahsy görkezýän goşulma goşulyp ulanylýar, şeýle-de birinji hem-de ikinji şahsy görkezýän *-ym, -yň, -iň, -im* goşulmalaryndaky dar çekimli uzyn aýdylýar).

◊ **Adam başy daşdan gaty** adamzat hemme kynçylyga çydamly. *Adam başy daşdan gaty diýleni. Biziň görmedigimiz gördedir* (“Edebiýat we sungat”). **Adam bolmak 1)** kemala gelmek, ulalmak, ýetişmek, öz başyňy çarar ýaly bolmak. *Ýeri, goýsana, namartaý, ogluň elmydam şu bolşuna bolup gidesi ýok-la, gelin alyp berenimizden soň, eklenç başyna düşenini biler, adam bolar* (A. Durdyýew). **2)** adamkärçilik mertebesini saklamak, düzelmek. *Ol-a asyl adam bolaýypdyr*. **3)** näsaglykdan, heläkçilikden sagalmak, gutulmak, ölmän galmak. *Biz, ony adam bolar öýtmändik* (B. Pürliýew). **Adam etmek** ekläp-saklap kemala getirmek, ýetişdirmek, ile goşmak, terbiýelemek. *Adam etjek bolsaňyz, terbiýe bermek gerek*. **Adam sanyna goşulmak (girmek)** terbiýeli adama öwrülmek. *Menem adam sanyna goşuldym* (T. Taganow). **Adam saýmazlyk** äsgermezlik, adam hasap etmezlik. *Ýelliniň ony adam saýman aýdan sözi Wüşi keliň gaharynyň öňündäki böwedini böwüsdi* (A. Gowşudow). **Adam taňryly** adamy ala tutýan, gorkmasa sylamaýan; çekinýän, gorkýan adamsyny görende boýun egýän, çekinmeýän adamsyny görende hereketini üýtgedýän. *Beýle adam taňryly bolmazlar* ("Edebiýat we sungat"). **Adam ýaly** adama mahsus bolan belent adamkärçilikli häsiýetleri özünde jemleýän, edepli (adam hakynda). *Sen bir adam ýaly gürlesene!*

**ADAMÇA** [a:damça], *at.* Çagalaryň gurjak oýnunda öýlenýän ýigidiň atlandyrylyşy.

**ADAMÇY** [a:damçy], *syp.* Adama topulýan, adamy dişleýän, depýän-gapýan, kowalaýan (mal hakynda).

**ADAMÇYLYK** [a:damçylyk], *at.* **1**. *ser.* **Adamkärçilik**. **2**. Adama mahsus belent häsiýetlilik. *Onuň adamçylygy ýokarydyr.*

**ADAMÇYLYKLY** [a:damçylykly], *syp., ser.* **Adamkärçilikli**.

**ADAM-GARA** [a:dam-ğara], *at.* Adam we beýleki janly-jandarlar, janly-jemende. *Öýüň golaýynda adam-gara ýokdy. Daşarda adam-gara görnenok.*

**ADAMHOR** [a:damho:r], *syp.* **1**. Adam etini iýýän. **2**. *göç.m.* Adamy gaty horlaýan, agyr güne salýan, ganhor, rehim-şepagatsyz, ezýän. *Niçik düşdüň adamhoryň goluna* (“Saýatly – Hemra”).

**ADAMHORLYK** [a:damho:rluk], *at.* **1**. Adam etini iýijilik. **2**. Adamyň janyna kast edijilik, ganhorlyk, rehim-şepagatsyzlyk.

**ADAMJYK** [a:damjyk], *at.* Kiçijik adam (käbir ýagdaýda göwnüýetmezlik, kemsitmeklik öwüşgini bilen ulanylýar).

**ADAMKÄRÇILIK** [a:damkä:rçilik], *at.* Adama mahsus bolan gowy gylyk-häsiýet, rehim-şepagatlylyk, adamçylyk. *Şonuň üçin ol dostunyň şol adamkärçiligini, oňa bolan minnetdarlygyny hiç unudyp bilmeýärdi* (B. Kerbabaýew).

◊ **Adamkärçilik etmek** adamkärçilik bilen hereket etmek, adamkärçilikli bolmak. *Sen adamkärçilik etdiň* (N. Baýramow).

**ADAMKÄRÇILIKLI** [a:damkä:rçilikli], *syp.* Adama mahsus bolan gowy, oňat, belent gylyk-häsiýetli, adamçylykly, rehim-şepagatly adam. *Adamkärçilikli ynsan.*

**ADAMKÄRÇILIKSIZ** [a:damkä:rçiliksiz], *syp.* Ýaramaz gylyk-häsiýetli, adamkärçiligi pes, rehim-şepagatsyz adam. *Adamkärçiliksiz bolmagy hiç wagt oňlan tapmarsyňyz.*

**ADAMLY** [a:damly], *syp.* **1**. Jemende, mähelle üýşen; adam-gara bar ýer. *Juwazçynyň tamynyň öňi adamlydy.* **2**. Töweregi adam bilen gurşalan; ýany adamly, ýoldaşly. *Ýany adamly goja ädimini barha çaltlandyrýardy. Onuň daşy mydama adamlydy.*

**ADAMLYK** [a:damlyk], **1**. *at.* Adama mahsus bolan asylly gylyk-häsiýetlilik, çyn adamkärçilik. *Çyn adama her wagt adamlyk derkar* (Magtymguly). *Men adam bolmaly, Adamlyk bolsa – Diňe Wepa bilen Mertlige bagly* (K. Gurbannepesow). **2**. *syp.* Sanlaryň yzyndan gelip, "bir ýa birnäçe adama niýetlenen" diýen manyny aňladýan söz. *Üç adamlyk nahar.* **3.** *zergärç.s.* Ýaş gelinleriň beýik börüklerine dakynýan hasawa şaýynyň iki çekge tarapyna düşýän adam şekilli uly böleginiň ady.

**ADAMPISINT** [a:dampisint], *syp.* Adam kysmy. adama meňzeş,

**ADAMSÖÝÜJILIK** [a:damsöýüjülük], *at.* Adama hormat-sylag goýmaklyk, ynsan mertebesini sylamaklyk, söýmek, gowy görmeklik. *Adamsöýüjilik duýgusy.*

**ADAMSÖÝÜJILIKLI** [a:damsöýüjülüklü], *syp.* Adamsöýüjiligi bolan adam.

**ADAMSYZ** [a:damsyz], *syp.* Adam, janly-jemende ýok, çola ýer. *Ony adamsyz, çöl-beýewana äkidip taşlady* (“Türkmen halk ertekileri”).

**ADAMSYZLYK** [a:damsyzlyk], *at.* Adam ýokluk, çolalyk. *Köçäniň adamsyzlygy ony geň galdyrdy.*

**ADAMSYZRAK** [adamsyzra:k], *syp.* Belli bir derejede adamsyz, adam azrak. *Adamsyzrak ýer.*

**ADAMZAT** [a:damza:t], *at.* Ynsanyýet, adamlar, adam nesli.

**ADAŞMAK** [a:daşmak] **I**, *işl., kön.s., ser.* **Azaşmak**. *Ýoldan adaşyp gitmesin, Ýary-talapkärim kany?* (Andalyp). *Arzyruma gitdigimde adaşdym* (″Asly – Kerem″).

**ADAŞMAK** [a:daşmak] **II**, *gepl.d.* Çaga oýnunda ýaranlary bölüşmek üçin ikibir-ikibir bolup biri-biriňe at, lakam dakmak.

**ADAT** [a:dat], *at.* **1**. Bir milletiň, halkyň durmuşyna ornaşan däp-dessur, gadymdan gelýän ýörelge, urp-adat. **2**. Öwrenişilen gylyk-häsiýet, endik. *Bu ne adatdyr, eý türki perizat, Gamyňdan bolmadym bir lahza azat* (Nesimi).

**ADATÇA** [a:datça], *hal.* Hemişe bolşy ýaly, ýörelge bolup galyşyna görä, köplenç halatda. *Adatça, tolkun deňizde, derýada bolýar* (Ş. Borjakow).

**ADATDA** [a:datda], *ser.* **Adatça**. *Adatda, öz gyzy hakynda edilýän gürrüňleriň köpüsinden ata bihabar bolýar* (B. Seýtäkow).

**ADATDAKY** [a:datda:ky], *syp.* Hemişeki, öňki. *Ýagyş ýuwan ýapraklar adatdakysy ýaly göwnüňi göterýärdi.*

◊ **Adatdan daşary** aýratyn, hemişekilerinden üýtgeşik, geň, täsin; has, çendenaşa. *Adatdan daşary hadysa. Onuň tymsallary, meňzetmeleri adatdan daşary çeper çykýardy* (B. Kerbabaýew).

**ADATKY** [a:datky], *ser.* **Adatdaky**. *Adatky endigin çykarar ýatdan, Poslar oň piliniň gumhanasy-da* (I. Nuryýew).

**ADATLANDYRMA** [a:datlannyrma], *iş ady.* Adatlandyrmak ýagdaýy.

**ADATLANDYRMAK** [a:datlannyrmak], *işl.* Biriniň bir zady ýa-da gylyk-häsiýeti başga birine endik, adat etdirmegi. *Okuwçylary zähmeti söýmäge adatlandyrmak zerur terbiýeçilik işdir.*

**ADATLANDYRYLMAK** [a:datlannyrylmak], *işl.* Adat etdirilmek, endik etdirilmek. *Çeperçilik mekdeplerinde çagalar irgözinden sungata adatlandyrylýar.*

**ADATLANDYRYŞ** [a:datlannyryş], *iş ady.* Adatlandyrmak ýagdaýy.

**ADATLANMAK** [a:datlanmak], *işl.* Bir zady adat edinmek, bir zada endik etmek. *Pil sapyna adatlanan eller ýarag tutmasyny bilmeýärdi* (B. Kerbabaýew).

**ADATLANMAKLYK** [a:datlanmaklyk], *iş ady.* Adatlanmak ýagdaýy.

**ADATLANYŞ** [a:datlanyş], *iş ady.* Adatlanmak ýagdaýy.

**ADATY** [a:daty], *syp.* Hemişekisi ýaly bolup duran, hemişe gabat gelýän, öwrenişilen. *Bu gün adaty günlerden diýseň üýtgeşikdi, şagalaňdy, şowhundy* (″Edebiýat we sungat″).

**ADATYLYK**[a:datylyk], *at.* Hemişekilik, öňki ýagdaýynda bolmaklyk.

**ADWOKAT** [advaka:t], *at, hukuk.* Raýatlara we edara-guramalara hukuk kömegini berýän, şeýle-de kazyýetde olaryň bähbitlerini gorap çykyş edýän ýurist, aklawçy.

**ADWOKATURA** [advakatur:a], *at, hukuk.* Adwokatlaryň guramasy, adwokatlar kollegiýasy. *Adwokatura raýat jemgyýetiniň hukuk instituty bolup durýan we döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ulgamyna girmeýän, adwokatlaryň adwokatlyk işini amala aşyrmak maksady bilen döredilen we öz-özüňi dolandyrmak ýörelgelerine eýerýän professional birleşigidir* (“Türkmenistanda adwokatura we adwokatlyk işi hakynda”Türkmenistanyň kanunynyň 1-nji maddasy).

**ADY** [a:dy:]**: ady sanlar** bitin sanlar, adaty sanlar.

**ADYGYŞ** [a:dyğyş], *iş ady.* Adykmak ýagdaýy.

**ADYKMA** [a:dykma], *iş ady.* Adykmak ýagdaýy.

**ADYKMAK** [a:dykmak], *işl.* Ady, şan-şöhraty il içine ýaýran, at-abraýy ile dolan. *Bu sözler diňe bir adygan şahyrlar üçin aýdylmandy* (“Edebiýat we sungat”).

**ADYKMAKLYK** [a:dykmaklyk], *iş ady.* Adykmak ýagdaýy.

**ADYKMAZLYK** [a:dykmazlyk], *iş ady.* Ady, abraýy bolmazlyk, ile dolmazlyk.

**ADYL**, *syp.* Adalata gol ýapýan, hakykaty goldaýan adam. *Bedewni tanymaz har bakan harban, Jomardy il tanar, adyly diwan* (Magtymguly). *Sähel zada gyzyp, egrilik etmek, Ýurt eýesi adyl hana ýaraşmaz* (Baýly şahyr).

**ADYLLYK**, *at.* Adyl häsiýete eýe bolmaklyk, adalatlylyk, hakykatçyllyk.

**ADYLÝÝET**, *at.* Kazyýet edaralarynyň ulgamy, adalat edaralary.

**ADYR**, *at.* Toýun we çäge gatyşykly kiçiräk takyr, beýikli-pesli ýer. *Alty bugraly adyra, takyra düşende, ýelgamaga döndi* (B. Kerbabaýew).

**ADYRLYK**, *at.* Toýun we çäge gatyşykly kiçiräk takyrlyklar, beýikli-pesli ýerler. *Ol ýerler giden adyrlykdy.*

**ADYRSOW**, *syp.* Az-kem adyr (ýer hakynda). *Men ýaş çerkez, çetiler basan adyrsow otlukda durun* (B. Hudaýnazarow).

**ADYRSOWLYK**, *at.* Adyrly ýerler, adyra meňzeşräk takyrlyklar. *Ýüzi jaýryk-jaýryk takyrlar, bozagan-ýowşanly adyrsowlyklar agras dem alyp ýatyr* ("Edebiýat we sungat").

**ADYÝAMAN** [a:dyýaman], *at.* Ak ekiniň içinde bitýän däneli haşal ot.

**AEROBIKA** [aýro:bika:], *at.* Ritmli gimnastika – saza goşup ýerine ýetirilýän sagaldyş maksatly fiziki maşklar.

**AERODINAMIKA** [aýradina:mika], *at.* Aeromehanikanyň gazlaryň (mysal üçin, howanyň) hereketi, şeýle-de gazlaryň öz içinde hereket edýän gaty jisimler bilen özara täsirini öwrenýän bölümi.

**AERODROM** [aýradyro:m], *at.* Uçarlaryň durmagyny, uçmagyny, gonmagyny, şeýle-de olara tehniki hyzmat etmegi üpjün edýän inženerçilik desgalar toplumy bilen bir hatarda radiotehniki serişdeler we ş.m. bilen abzallaşdyrylan giň meýdan, uçarlar gonalgasy.

**AEROMEHANIKA** [aýrameha:nika], *at.* Mehanikanyň gazlaryň deňagramlylygyny hem-de hereketini, şeýle-de içine goýberilen gaty jisimlere gazlaryň edýän mehaniki täsirini öwrenýän bölümi.

**AEROPLAN** [aýraplan], *at.* Uçar (awiasiýanyň ilkinji ýyllarynda ulanylan söz).

**AEROPORT** [aýraport], *at.* Ulag awiasiýasynyň yzygiderli uçuşlaryny we ýolagçylara hyzmat etmegi amala aşyrýan aerodromly we aerowokzally (howa menzilli) desgalar toplumy (*ser.* **Aerodrom** we **Aerowokzal**, **Howa: howa menzili**).

**AFRIKALY** [a:frikaly], *at, ser.* **Afrikalylar**.

**AFRIKALYLAR** [a:frikalylar], *at.* Afrikada doglan we ýaşaýan adamlar.

**AGA** [a:ğa], *at.* **1**. Özüňden uly erkek dogan; kakaň, ataň erkek dogany; ýaşy özüňden uly erkek doganoglan. **2**. Özüňden uly ýaşly adamlara hormat, sarpa goýmak üçin olaryň adyna derek ýa-da adynyň yzyndan artdyrylýan söz. *Meret aga. Aşyr aga.* **3**. Hökümdar, häkim; baýar. *Ýer özüňkimi? Ýok, aganyňky* (G. Seýitliýew). **4**. Gadyrdan, hossar. *Görogly agam gelipdir* ("Görogly").

**AGA-BEG** [a:ğa-veğ], *at.* Agalar hem begler, hökümdarlar, häkimler. *Aga-begler, muhannesiň on müňi, Mert ähliniň alty ýüzüne degmez* (Magtymguly).

**AGAÇ** [ağaç] **I**, *at.* **1**. Miweli ýa miwesiz, köpýyllyk uly şahaly ösümlik, daragt, bag. *Agaç agaja bakar, Arasyndan suw akar* (Läle). *Agaç ekmek, kemally perzent ýetişdirmek, köpri gurmak, guýy gazmak – ine, ömür menzillerindäki iň aňrybaş parzlar şulardyr* ("Türkmenistan"). **2**. Agaç-tagta önümleri; pürs. **3**. *gepl.d.* Taýak, hasa. *Agsagyň elinden alsaň agajyn, Ýaman derde düşer, tapmaz alajyn* (Magtymguly). *Agsak aýra düşse, agaçsyz galsa, Ýol aňlamaz kary hemrasyz bolsa* (Magtymguly). **4**. *gepl.d.* Ýakar ýaly odun. *Çar tarapa zyňylýar Agaçlar darka-darka* (M. Garryýew).

◊ **Agaç at** tabyt. *Göterlerne garaşyp dur Köpi gören agaç at.* (K. Gurbannepesow). **Agaç ata münmek (çykmak)** ölmek, aradan çykmak. **Agaç ussasy** agaç, tagta önümlerinden jaý gurýan, dürli hojalyk esbaplaryny ýasaýan ussa. **Agaç ýuwdan ýaly** sömelip, dim-dik bolup duran (adam hakynda).

**AGAÇ** [ağaç] **II**, *at, kön.s.* 6-7 kilometre deň bolan uzynlyk ölçeg birligi. *Kyrk alty müň agaç deňiz derýadyr* (Magtymguly).

◊ **Agaç kömür** gumda bitýän gandym, sözen, sazak, ýaly gaty agaçlar ýakylyp taýýarlanýan gaty ýangyç. *Ýörite gazylan çukurda tygşytly örülip goýlan agaç bölekleri gyzyl köze öwrülende çukur çäge bilen gömülýär.*

**AGAÇLYK** [ağaşlyk], *at.* Dürli agaçlaryň köp biten ýeri, durşuna bag, agaç bolup ýatan meýdan; tokaýlyk. *Göm-gök agaçlyklar jülgä gelşik berýär.*

**AGAÇ-UGAÇ** [ağaj-uğoç], *at.* **1**. Agaç-tagta we onuň bölekleri. **2**. *gepl.d.* Agaçgoş önümleri: sandyk.

**AGA-DÖNE** [a:ğa-dö:nö], *hal.* Öz erkine, ygtyýaryna, maýdalyna, peýwagtyna. *Görogly bilen Öwez aga-döne uzak ýoly kesibersinler* ("Görogly").

**AGA-INI** [a:ğ(a)-ini], *at.* Ganybir doganlar, doganoglanlar. *Ikimiz biri-birimize aga-ini bolýarys*.

**AGAJET** [ağajet], *syp.* Inçesagt, hortap, sagdyn bedenli. *Ene ýatyr üstünde Giň maňlaýly, Agajet* (K. Gurbannepesow). *Uzyn boýly, garaýagyz, agajet ýigit ör turdy* ("Edebiýat we sungat").

**AGAJETLILIK** [ağajetlilik], *at.* Inçesagtlyk, hortaplyk, sagdyn bedenlilik. *Agajetlilik oňa gelişmän duranokdy.*

**AGALY** [a:ğaly], *syp.* **1**. Agasy bar bolan. *Agaly oglan aglamaz* (Nakyl). **2**. Oglana dakylýan at.

**AGALYK** [a:ğalyk] **I**, *at.* Biriniň agasy bolmak ýagdaýy. *Öz iniň bigäne däldir, agalyk edip, kömek edäýerler*.

**AGALYK** [a:ğalyk] **II**, *at.* Hökmürowanlyk, hökümdarlyk.

◊ **Agalyk etmek** gol astynda saklap dolandyrmak.

**AGAR-AGAR** [ağar-ağar], *at.* Gyzyl hem goňur suw otlaryndan alynýan şepbik, ýelim şekilli önüm.

**AGARAN** [a:ğaran], *at.* Gorküýzedäki düýe çalynyň üstüne täze süýt guýlanda, çalyň ýüzüne galýan goýy galdyrym. *Obalara barsaň, kersen doly agarany öňünde goýýarlar* ("Edebiýat we sungat").

**AGARÇÄKMEN** [a:ğa:rçä:kmen], *at.* Düýäniň gapdal ýüňünden inçe egrilip, örän syk dokalan matadan tikilýän çäkmen.

**AGARDYLMAK** [a:ğardylmak], *işl.* Agartmak işi ýerine ýetirilmek, amal edilmek. *Agardylan ýüpek.*

**AGARMA** [a:ğarma], *iş ady.* Agarmak ýagdaýy.

**AGARMAK** [a:ğarmak], *işl.* **1**. Ak bolmak, ak reňki almak; ak bolup görünmek. *Aýyň ýagtysyna meýdan agaryp ýatyrdy.* **2**. Gahar, gorky, näsaglyk zerarly ýüzüň gany gaçmak, boz-ýaz bolmak, ýüzüň nury öçmek. *Gurban aganyň ýüzi hem agarýar, hem gyzarýar* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Açylyp başlamak, açylyp ýetişmek. *Gowaçalar agaryp başlady*. **4**. Daň saz berip ugramak, ýagtylyp başlamak, daň atar wagty ýakynlamak. *Dünýä ýüzi agaryp, Gündogar ýagtylypdy* (A. Alamyşow). **5**. Ak girmek (saç, sakgal hakynda), saç-sakgala ak sepmek, çalarmak. **6**. Reňki gitmek, solmak, ak reňke öwrülmek. *Onuň gök köýnegi güne agarypdyr.* **7**. Gar basmak, gar bilen örtülmek. *Ertir ir bilen tursak, ýer agaran eken.* **8**. Tamdyr mazaly gyzaryp, çörek ýapmaga taýyn bolmak.

**AGARMAKLYK** [a:ğarmaklyk], *iş ady.* Agarmak ýagdaýy.

**AGARMAZLYK** [a:ğarmazlyk], *iş ady.* Ak bolmazlyk, ak reňki almazlyk; ak bolup görünmezlik.

**AGAROWAN** [a:ğarowa:n], *at, deňizç.* Gäminiň gapagynyň üstüne ýygnanan suw akar ýaly deşik.

**AGARTDYRMAK** [a:ğartdyrmak], *işl.* Agartmak işini başga birine etdirmek; agartmaga ýol bermek, rugsat etmek. *Jaý agartdyrmak.*

**AGARTMA** [a:ğartma], *iş ady.* Agartmak ýagdaýy.

**AGARTMAK** [a:ğartmak], *işl.* **1**. Ak reňke öwürmek, ak reňk çalmak, aklamak. *Olar şo günler jaýlaryň daşyny agardýardylar* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Bir sebäbe görä reňk-petiňi üýtgetmek, gan-petiňi gaçyrmak. *Reňkini agardyp duran ýigide gaharly seretdi*. **3**. Açmak, ak patrak ýaly etmek. *Agşamky şemal gowaçalary agartdy.* **4**. Çig ýüpegi sabyna, aşgara gaýnadyp, reňkini ak etmek. *Ol aýal uly gazanda ýüpek agardýardy.* **5**. *zergärç.* Zergärçilik işinde otda gyzdyrylyp ýasalýan, bejerilýän kümüş önümleriň, şonuň ýaly-da, wagt geçmegi bilen garalan şaý-sepleriň reňkini ýörite erginde açmak. 6. Reňkini almak, reňkini gidermek, soldurmak. *Gün köýnegi agartdy.*

**AGARTMAKLYK** [a:ğartmaklyk], *iş ady.* Agartmak ýagdaýy.

**AGARTMAZLYK** [a:ğartmazlyk], *iş ady.* Ak reňke öwürmezlik, ak reňk çalmazlyk, aklamazlyk;

**AGARY** [a:ğa:ry], *at.* Köşek ýa-da ogşuk ýüňünden egrilip dokalýan çäkmenlik mata.

**AGARYŞ** [a:ğaryş], *iş ady.* Agarmak ýagdaýy.

**AGARYŞMAK** [a:ğaryşmak], *işl.* Ak öwüsmek, uzakdan agaryp görünmek, köpçülikleýin agarmak. *Lebap suwy suwmudyr, Agaryşýan guwmudyr, Meni gaban, doganlar, Girdapmydyr – köwmüdir* (N. Pomma).

**AGA-ÝANA** [a:ğaýa:na], *syp.* Öz erkine, arkaýyn. *Olar aga-ýana gezýärdiler.*

**AGDAR-DÜŇDER** [a:ğdar-düňdör], *syp.* Akan-dökän, ýykan-ýumran, bulam-bujar.

**AGDAR-DÜŇDERLIK** [a:ğdar-düňdörlük], *at.* Akan-dökänlik, ýykan-ýumranlyk.

**AGDARMA** [a:ğdarma], *iş ady.* Agdarmak ýagdaýy.

**AGDARMAK** [a:ğdarmak], *işl.* **1**. Birini ýa-da bir zady beýleki tarapyna öwürmek, döndermek. *Ýatan daşy agdarmak. Ýatan çagany sagyna agdarmak.* **2**. Bir zadyň üstünden ýykmak; bir zady, birini ýykmak. *Bir ok bilen ony agdaryp bildiň, Men seniň goluňa gurban bolaýyn* ("Görogly"). **3**. Çäýnekden käsä, käseden çäýnege çaýy gaýtaryp guýmak, gaýtarmak. *Çaýy üç gezek agdarmaly.* **4**. Ekişe taýýarlamak üçin ýer depmek; ýer sürmek. *Habyp aga şol kepje bilen töwereklerindäki agaçlaryň düýbüni gör, näçe gezek agdarypdy* (G. Ezizow). **5**. Kitaby we ş.m. sahypama-sahypa açmak, *Depderçäni haýdan-haý agdaryp başladym* ("Edebiýat we sungat"). **6**. Palawyň gyradeň bişmegi üçin aşagyny ýüzüne çykarmak, beýle ýüzüne öwürmek. *Tüwi suwuny çekip-çekmänkä agdardy.* **7**. Dökmek, düňdermek; döküp boşatmak. *Ol dolduran bedresini bilgeşleýin agdaryp goýberdi* (B. Seýtäkow). **8**. Gözüni owasynyň içinde eýläk-beýläk döndermek, gezdirmek. *Ol ullakan gözlerini agdaryp, çyny bilen sorady* (B. Kerbabaýew). **9**. *göç.m.* Ýykmak, tagtdan düşürmek, iş başyndan aýyrmak. **10**. Aty çapyşyga taýýarlamak üçin seýislemek.

**AGDARMAZLYK** [a:ğdarmazlyk], *iş ady.* Agdarmak hereketini, işini etmezlik.

**AGDARYLYŞYK** [a:ğdarylşyk], *at.* Güýç bilen amala aşyrylýan jemgyýetçilik häsiýetli öwrülişik.

**AGDARYNMAK** [a:ğdarynmak], *işl.* Ýatan ýeriňden öz göwräňi bir gapdalyňdan beýleki gapdalyňa agdarmak. *Gaty keçäniň üstünde ýanlary agyryp, iki ýana agdarynýardy* (N. Saryhanow).

**AGDARYŞ** [a:ğdaryş], *iş ady.* Agdarmak ýagdaýy.

**AGDARYŞDYRMAK** [a:ğdaryşdyrmak], *işl.* **1**. Birnäçe zady tertipli-tertipsiz ýykyşdyrmak, dürli tarapa zyňyşdyrmak, itişdirmek. **2**. Köp gezek agdaryp çykmak; yzly-yzyna agdarmak, öwrüşdirmek. *Ol bir topar kagyzlary agdaryşdyryp otyrdy.* **3**. Çäýnegiň çaýyny köp gezek yzyna gaýtaryp çykmak. *Ol töweregindäki çäýnekleriň çaýyny agdaryşdyrdy.* **4**. Ýer sürüp çykmak; depip çykmak. *Ol mellegini agdaryşdyryp çykdy.*

**AGDARYŞMAK** [a:ğdaryşmak], *işl.* **1**. Agdarmaga kömek etmek. *Ol kakasyna uly daşy agdaryşdy.* **2**. Bilelikde agdarmak. *Olar ýer agdaryşyp ýördüler.*

**AGDYK** [a:ğdyk], *syp.* **1**. San taýdan köp, kän, artyk, artykmaç. *Olaryň güýji agdykdy*. **2**. Gereginden artyk, örän köp, öte. *Aý, meniň işim başymdan agdyk* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Bir tarapy agyr, bir ýana agan. *Düýä urlan ýüküň bir ýany agdyk bolupdyr*. **4**. *göç.m.* Çekip-çydardan beter, agyr. *Seniň ol sözüň maňa agdyk degýär.*

**AGDYKLYK** [a:ğdyklyk], *at.* **1**. San taýdan artyklyk, köplük. **2**. Artykmaçlyk. *Maddy tarap agdyklyk edýärmikä öýdýärin* (G. Kulyýew). **3**. Bir ýany bolmalysyndan agyr gelmeklik. *Ýüküniň bir ýana agdyklygy onuň azaryna-da däldi.* **4**. *göç.m.* Çekip-çydardan beter ýagdaýda bolmaklyk. *Aýdýan sözleriniň agdyklygyndan onuň özi bihabardy.*

**AGDYRMAK** [a:ğdyrmak], *işl.* **1**. Gyrasyndan agýança akdyrmak, agmak derejesine ýetirmek. *Suwy joýalaryň üstünden agdyrypdyr.* **2**. Bellenen möçberden geçirmek. *Pagtany borçnamadan agdyryp tabşyrdyk.*

**AGENTLIK** [ağe:ntlik], *at.* Habar beriş, araçy (dellalçylyk) edaralarynyň ady. *Türkmenistanyň döwlet habarlar agentligi. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Nebitgaz serişdelerini dolandyrmak we peýdalanmak baradaky döwlet agentligi.*

**AGLA** [ağla:], *syp., k.d.* Iň ýokary, iň beýik. *Peri-peýker agla bolmaz özüňden, Leýli, Akja, Senem ýetmez yzyňdan* (Kemine).

**AGLABA** [ağla:va], *syp., hal.* **1**. Bir zadyň ýa-da adamlaryň esasy bölegi, köpüsi, köp bölegi, agramy, galaba. *Oba hojalyk önümleriniň aglabasy şu ýerde öndürilýär* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Esasan, galapyn, köplenç. *Derýalaryň we kölleriň ýanyndaky adamlar aglaba balykçylyk bilen meşgul bolupdyrlar.*

**AGLABERMEK** [a:ğla:vermek], *işl.* Aglap başlamak; aglamagyny dowam etdirmek. *Çagajyk birden möňňürip aglaberdi.*

**AGLAGAN** [a:ğlağan], *syp.* Häli-şindi aglap ýören.

**AGLAGRAK** [a:ğlağyra:k], *syp.* Has aglak, beter aglak. *Kiçi çagam ulularyna garanyňda aglagrak.*

**AGLAK** [ağlak], *syp.* **1**. Az sanly. *Aglak maşgala*. **2**. Dagynyk, seýrek, selçeň; *Il aglak bolsa, doňuz depä çykar* (Nakyl).

**AGLAK** [a:ğlak], *syp.* Köp aglaýan, aglap başlasa diňmeýän. *Aglak çaga.*

**AGLAKLYK** [a:ğlaklyk], *at.* Aglak bolmaklyk, aglaganlyk. *Çaganyň aglaklygy ýöne ýere däldi, onuň gulagy agyrýan eken.*

**AGLALYK** [ağla:lyk], *at, kön.s.* Beýiklik, ululyk, belentlik. *Akyl olgan tapdy aglalykny ednalyk bile* (Şeýdaýy).

**AGLAMA** [a:ğlama], *iş ady.* Aglamak ýagdaýy.

**AGLAMAK** [a:ğlamak], *işl.* **1**. Agyr hala, gynanja we ş.m. çydaman, gözden ýaş dökmek, gözýaş etmek, ses etmek, eňremek. *Kimse aglap gitdi, kimseler gülüp, Kimse çekip dürli azap, hoş imdi* (Seýdi). **2**. *göç.m.* Bir zatdan zeýrenmek, nalamak. *Bu halymga rehmi inip, Aglaýyr şähri-Ýemen* (Magtymguly).

**AGLAMAKLYK** [a:ğlamaklyk], *iş ady.* Aglamak ýagdaýy.

**AGLAMAZLYK** [a:ğlamazlyk], *iş ady.* Gözden ýaş dökmezlik, gözýaş etmezlik, eňremezlik. *Aglamazlyga çalyşmak. Aglaman oturmak.*

**AGLAMJYRAMA** [a:ğlamjyrama], *iş ady.* Aglamjyramak ýagdaýy.

**AGLAMJYRAMAK** [a:ğlamjyramak], *işl.* Çala aglamak, ýuwaş sesli aglamak, hamsykmak.

**AGLAMJYRAMAKLYK** [a:ğlamjyramaklyk], *iş ady.* Aglamjyramak ýagdaýy.

**AGLAMJYRAMAZLYK** [a:ğlamjyramazlyk], *iş ady.* Aglamjyrap durmazlyk.

**AGLAMJYRAŞMAK** [a:ğlamjyraşmak], *işl.* Birnäçe bolup aglamjyramak.

**AGLAMJYRAÝYŞ** [a:ğlamjyraýyş], *iş ady.* Aglamjyramak ýagdaýy.

**AGLAŞMAK** [a:ğlaşmak], *işl.* Birnäçe bolup aglamak, bilelikde aglamak. *Ygtyýar bermersiň aglaşmak üçin, Ýöne biygtyýar aglaşan gerek* (K. Gurbannepesow).

**AGLATMAK** [a:ğlatmak], *işl.* Birini aglamaga mejbur etmek, aglamak katdyna ýetirmek.

**AGMA** [a:ğma], *iş ady.* Agmak ýagdaýy.

**AGMAK** [a:ğmak], *işl.* **1**. Dolup ýa-da joşup hanasyndan çykmak. *Gowaçanyň içine suw agypdy*r. **2**. Belli bir sandan, wagtdan, möhletden, pursatdan... geçmek, aňry geçmek, aşmak. *Çerkez obalaryň çetinden inende, gije ýarymdan agypdy* (B. Kerbabaýew). **3**. Bir tarapa gyşarmak, syrylyp düşmek, ýykylmak, agdarylmak. *Ol ýabydan äwmezlik bilen agyp düşdi*. **4**. Kadaly ýagdaýdan gyşarmak, syrylmak, süýşmek. *Atyň eýeri bir tarapa agypdyr.*

**AGMAKLYK** [a:ğmaklyk], *iş ady.* Agmak ýagdaýy.

**AGMAL** [ağma:l], *at, k. d.* Iş, hereket, amal. *Bolmagaý hergiz ylymdan bihabar, bolsa agmal biylym, köpdür hatar* (Azady). *Haýry-şer agmalyňyzny hak bagyşlasyn size, Aýşy-aşrat,döwri-döwranlar sürüňler elmydam* (Kätibi).

**AGMAZLYK** [a:ğmazlyk], *iş ady.* Agmak katdyna ýetmezlik, agyp gitmezlik. *Heniz gije ýarymdan agmandy.*

**AGÖÝLI** [a:ğöýlü], *syp.* **1**. *taryh*. Geçmişde ýurdy goramak maksady bilen dürli uruglardan toplanyp, araçäklere ýörite göçürilip, ak öýler bilen üpjün edilen boý ýigitlerden ybarat garawullar topary. **2**. Urug ady. *Ürgenç şäheriniň ýakynynda agöýli diýen türkmen urugy hem bar* ("Türkmen dili"). **3**. Oglana dakylýan at.

**AGRAK** [a:ğyra:k], *syp.* Reňki aga ýakyn; beýlekä görä has ak reňkli.

**AGRALDYŞ** [ağraldyş], *iş ady.* Agraltmak ýagdaýy.

**AGRALMA** [ağralma], *iş ady.* Agralmak ýagdaýy.

**AGRALMAK** [ağralmak], *işl.* **1**. Agramy artmak, agramy köpelmek. *Goýun bir aýda üç kilo agralypdyr.* **2**. Nämedir bir zadyň möçberi, mukdary artmak, sany köpelme. *Süri öten ýylkysyndan has agraldy.* **3**. Belli bir sebäbe görä ýagdaýy kynlaşmak, agyrlaşmak, kyn ýagdaýda galmak. *Bolan çaknyşykdan soň, onuň ýagdaýy has agralypdy* (B. Kerbabaýew). **4**. Ýaltalyk, näsaglyk we ş.m. zerarly süňňüňe agyrlyk aralaşmak, ýere siňip barmak. *Ol ýany ýere degenden, barha agralyp, irkiljiräp ugrady* (B. Gurbanow). **5**. Dem almagy kynlaşdyryjy derejede petiş bolmak. *Otagyň howasy birden agraldy* (G. Kulyýew). **6**. *göç.m.* Göwrelilik möhleti dolaňkyrlamak, çaga dogar wagty ýakynlamak. *Ýaş gelin agralany üçin, lukmana ýygy-ýygydan görnüp başlady.*

**AGRALMAKLYK** [ağralmaklyk], *iş ady.* Agralmak ýagdaýy.

**AGRALMAZLYK** [ağralmazlyk], *iş ady.* Agralmak derejesine ýetmezlik.

**AGRALTMAK** [ağraltmak], *işl.* **1**. Bir zadyň agramyny köpeltmek, agyrlygyny artdyrmak. *Maşynyň ýüküni agraltmak bolmaz*. **2**. Petiş etmek, dem almagy kynlaşdyrmak. *Çilimiň tüssesi otagyň howasyny agraldýar.* **3**. *göç.m.* Erbet ýagdaýa salmak, ýagdaýy öňküsinden kynlaşdyrmak.

**AGRALYBERMEK** [ağralyvermek], *işl.* Agralyp ugramak. *Ýüki kem-kemden agralyberdi.*

**AGRALYŞ** [ağralyş], *iş ady.* Agralmak ýagdaýy.

**AGRALYŞMAK** [ağralyşmak], *işl.* **1**. Kem-kemden agralmak, birneme agralmak. *Mallar öňküsinden agralyşypdyr, semräp ugrapdyr.* **2**. Göwreliligi daşyndan mazaly bildirip duran derejä ýetmek.

**AGRAM** [ağram], *at.* **1**. Bir zadyň çekmek arkaly kesgitlenýän agyrlygy. *Gerekli daşyň agramy ýok* (Nakyl). **2**. *göç.m.* Bir zadyň täsirinden döreýän kynçylyk, kyn ýagdaý. **3**. Birtopar adamyň ýa-da bitewi zadyň köpüsi, aglabasy, galabasy. **4**. *gepl.d.* Biriniň il arasyndaky hatyrasy, tutýan orny, täsiri. *Onuň il içinde agramy bardy.*

◊ **Agram bermek** bir zada köp üns bermek, bir zady ileri tutmak. *Şu günler däne ekişine agram berýäris.* **Agram salmak** kyn ýagdaýa sezewar etmek. *Ol bu işi kärdeşlerine agram salman gutardy.* **Agramyna aşyr atmak** bir işiň köp bölegini gutarmak. *Harmanyň agramyna aşyr atdyk* (B. Kerbabaýew).

**AGRAMLAMA** [ağramlama], *iş ady.* Agramlamak ýagdaýy.

**AGRAMLAMAK** [ağramlamak], *işl.* **1**. Bir zady eliňe alyp, onuň çen-takmyn agramyny bilmek, göterip görüp, agramyny çaklamak, saldarlamak. **2**. *göç.m.* Bir zada, işe oňat hem erbet tarapdan öňünden baha bermek. *Maral aýtjak bolýan zadyny öz ýanyndan agramlap görýän ýaly, biraz oýlanyp oturdy* (G. Gurbansähedow).

**AGRAMLAMAKLYK** [ağramlamaklyk], *iş ady.* Agramlamak ýagdaýy.

**AGRAMLY** [ağramly], *syp.* **1**. Belli bir mukdarda agramy bar bolan, saldamly. *Iki kilo agramly terezi daşy.* **2**. *göç.m.* Agyr, kyn, ejirli, güzaply. *Agramly oýlary başyndan geçiren Aýgülüň birdenkä elindäki sagada gözi düşdi (B. Kerbabaýew).* **3**. *göç.m.* Ýaramajak, ýokuş degip biljek, erbet täsir edip biljek (söz hakynda). *Men oňa gaty-gaýrym söz aýdamok, agramly söz diýenimi bilemok, ýöne özi meni görse, ýüzüni sowup ýör.*

**AGRAMLYK** [ağramlyk], *at.* Gara öý, oraça ýelde agdarylman, gyşarman deňagramlylygyny saklar ýaly tüýnük ýüpden asylýan içi gumdan doly çuwal we ş.m. agyr zat. *Gara öýe çöwşi etmeli, çuwaly gumdan dolduryp, tüýnük ýüpünden agramlyk asyp goýmaly* (A. Gowşudow). **2**. Terezini sazlamak üçin atylýan, asylýan zat, daş. *Terezä agramlyk dakdylar.*

**AGRAMLYLYK** [ağramlylyk], *at.* **1**. Agramy barlyk, agyrlyk taýdan belli bir möçberlilik. **2**. *göç.m.* Salyhatlylyk, parasatlylyk. **3**. *göç.m.* Aladalylyk, ünjülilik. *Keşbinde bir agramlylyk duýulýardy* (B. Kerbabaýew).

**AGRAMMA-AGRAM** [ağramma-ağram], *hal.* Deňe-deň, agramyna deň agram, bir-biriniň agramyna barabar mukdarda. *Kişmişi bugdaýa agramma-agram çalyşmak*.

**AGRAMSYZ** [ağramsyz], *syp.* **1**. Agramy az, agramy bildirmeýän, ýeňil. *Agramsyz kirşenler ýeliň ugruna gaýyp gidýärdiler.* **2**. *gepl.d.* Sylagy ýokluk, sylagsyz.

**AGRAMSYZLYK** [ağramsyzlyk], *at.* **1**. Agramy azlyk, agramy ýokluk, ýeňillik. *Agramsyzlygy zerarly tozgalar islän ugruna gaýyşyp ýörler.* **2**. *gepl.d.* Abraýsyzlyk, sylagsyzlyk.

**AGRAMSYZRAK** [ağramsyzyra:k], *syp.* Agramy azrak, ýeňilräk.

**AGRAR** [ağra:r], *syp.* Ýerden peýdalanmaga degişli, ýer bilen baglanyşykly. *Agrar syýasat. Agrar partiýa. Agrar reforma.*

**AGRAS** [ağras], *syp.* **1**. Salyhatly, goýazy; gylyk-häsiýetinde ýeňlesligi bolmadyk, edep-ekramly. *Ol indi öňküsi ýaly geplemsek, alçak däl-de, az gepli, agras adamdy* (B. Pürliýew). **2**. *göç.m.* Haýallyk bilen, zordan, ýadaw. *Otly ýuwaş hem-de agras ýöreýär* (B. Seýtäkow). **3**. *göç.m.* Dem almasy agyr, petiş, dymyljyk; tämiz bolmadyk, arassa däl. *Agras howa*.

**AGRASLANDYRMAK** [ağraslannyrmak], *işl.* Agras keşbe salmak. *Aman aýalyna şulary aýtdy-da, ýüzüni agraslandyryp durdy* (N. Saryhanow).

**AGRASLANMA** [ağraslanma], *iş ady.* Agraslanmak ýagdaýy.

**AGRASLANMAK** [ağraslanmak], *işl.* Agras görnüşe girmek, salyhatlanmak, goýazylanmak. *Hawa, ol agraslanypdyr, maňlaýynyň saçlary düşüpdir* ("Edebiýat we sungat").

**AGRASLANMAKLYK** [ağraslanmaklyk], *iş ady.* Agraslanmak ýagdaýy.

**AGRASLANYBERMEK** [ağraslanyvermek], *işl.* Agras bolup ugramak.

**AGRASLYK** [ağraslyk], *at.* **1**. Agras keşplilik, agras häsiýetlilik, saýhallylyk, goýazylyk. **2**. Ýadawlyk, argynlyk, süňňi agyrlyk. *Göwresindäki agraslyk şol bada uçup giden ýaly boldy.*

**AGRASRAK** [ağrasyra:k], *syp.* Beýlekiler bilen deňeşdireniňde, öňkä görä azda-kände agras.

**AGRASSYRABERMEK** [ağrassyra:vermek], *işl.* Agrassyrap ugramak.

**AGRASSYRAMA** [ağrassyrama], *iş ady.* Agrassyramak ýagdaýy.

**AGRASSYRAMAK** [ağrassyramak], *işl.* Agras bolan bolmak, özüňi agras keşpde görkezjek bolmak.

**AGRASSYRAMAKLYK** [ağrassyramaklyk], *iş ady.* Agrassyramak ýagdaýy.

**AGRASSYRAMAZLYK** [ağrassyramazlyk], *iş ady.* Agrassyrap durmazlyk.

**AGRAÝAK** [ağraýak], *syp., gepl.d.* Göwreli, hamyla, ikigat. *Agraýak bolmak.*

**AGRESSIÝA** [ağre:ssiýa], *at.* Halkara hukugy nukdaýnazaryndan bir döwletiň başga bir döwletiň garşysyna bikanun suratda güýç ulanmagy, aýratyn-da basyp almak üçin başga döwletiň üstüne ýaragly çozup girmegi.

**AGRO** [a:ğro], "Agronomiýa degişli" manyny aňladýan *agrofizika, agroekologiýa, agrohimiýa* sözleriniň, "oba hojalygyna, ekin ekilmeli ýerleri bejermeklige degişli" manyly *agrotehnika* ýaly goşma sözleriň birinji bölegi.

**AGRONOM** [ağrano:m], *at.* Oba hojalygy, aýratyn-da ekerançylyk boýunça ýokary bilimli hünärmen.

**AGRONOMÇYLYK** [ağrano:mçuluk], *at.* Agronomyň kesp-käri we hünäri. *Ol obada agronomçylyk edýär*.

**AGRONOMIÝA** [ağrano:miýa], *at.* Ekerançylygyň kanunlary hakyndaky ylym, giň manysynda – oba hojalyk önümçiliginiň ylmy esasy, oba hojalygynyň ähli pudaklary hakyndaky bilimleriň jemi.

**AGROTEHNIKA** [ağrate:hnika], *at.* Ekerançylygyň tehnologiýasy, oba hojalyk ekinlerini ekmegiň, işläp bejermegiň we ýetişdirmegiň usullarynyň ulgamy.

**AGROFIZIKA** [ağrafi:zika], *at.* Ösümlikleriň daşky ýaşaýyş şertlerini we olaryň ýaşaýşynda bolup geçýän fiziki prosesleri öwrenmegiň usullary hakyndaky ylym.

**AGROHIMIÝA** [ağrahi:mýa], *at.*Toprakda we ösümliklerde, ösümlikleriň iýmitinde, topragyň mesligini gowulandyrmak we ekinleriň hasyllylygyny ýokarlandyrmak üçin berilýän dökünlerde hem-de beýleki himiki serişdelerde bolup geçýän himiki we biohimiki prosesler hakyndaky ylym.

**AGSABERMEK** [ağsa:vermek], *işl.* Agsap başlamak.

**AGSAGRAK** [ağsağyra:k], *syp.* Az-kem agsak, çala agsak.

**AGSAK** [ağsak], *syp.* **1**. Bir aýagy gysga ýa-da şikesli bolansoň, agsap ýöreýän. *Süri agsagyny gizlär* (Nakyl). **2**. Agsap ýöreýän adam. *Agsagyň elinden alsaň agajyn, Ýaman derde düşer, tapmaz alajyn* (Magtymguly).

◊ **Agsak durna** kiçi ýaşly çagalar tarapyndan oýnalýan çalt hereketli milli oýun. *Agsak durna iki topara bölünip oýnalýar, oýunçylaryň sany islendikçe bolup biler.* **Agsak towuk 1)** kiçi ýaşly oglanjyklar we gyzjagazlar tarapyndan oýnalýan milli oýun. **2)** agsak towuk oýnunda bir aýagynyň üstünde bökjekläp oýnaýan oýunçy. *Oýun wagtynda agsak towuk iki aýagyny hem ýere degirse, ol oýundan çykarylýar* (A. Jykyýew).

**AGSAKLABERMEK** [ağsakla:vermek], *işl.* Agsaklap ugramak.

**AGSAKLAMA** [ağsaklama], *iş ady.* Agsaklamak ýagdaýy.

**AGSAKLAMAK** [ağsaklamak], *işl.* **1**. Agsap ýöremek, bir aýagyň üstüne agram atyp keýtiklemek, ýempäp ýöremek. *Ýabyň raýyşynyň pesräk ýerini tapyp, çala agsaklap kenara çykdy* (G. Kulyýew). **2**. *gepl.d.* Bir aýagyň üstünde towsup ýöremek. *Gyzjagaz çyzyklary basman, üstünden agsaklap geçdi.*

**AGSAKLAMAKLYK** [ağsaklamaklyk], *iş ady.* Agsaklamak ýagdaýy.

**AGSAKLAMAZLYK** [ağsaklamazlyk], *iş ady.* Agsaklap hereket etmezlik.

**AGSAKLAŞMAK** [ağsaklaşmak], *işl.* Bilelikde agsaklamak. *Olar agsaklaşyp gitdiler.*

**AGSAKLAÝYŞ** [ağsaklaýyş], *iş ady.* Agsaklamak ýagdaýy.

**AGSAKLY** [ağsakly], *syp.* Içinde agsagy bar bolan (süri hakynda). *Kyrk gulanyň içinde bir agsagy bildirmez* (nakyl).

◊ **Agsakly goçak** nagyş ady.

**AGSAKLYK** [ağsaklyk], *at.* Agsak bolmak ýagdaýy.

**AGSAKSERE** [ağsaksere], *at.* Süýem we külembike barmaklarynyň gerlen ýagdaýyndaky aralyk ölçegi. *Köýnek biçende matasy agsaksere ýetmedi.*

**AGSAKSYZ** [ağsaksyz], *syp.* Agsagy ýok. *Süri agsaksyz bolmaz* (Nakyl).

**AGSAK-TOWSAK** [ağsak-towsok], *syp., gepl.d.* Agsaklaýan ýa-da başga bir kemi bolan, sürä eýermeýän (mal, dowar hakynda).

**AGSAMA** [ağsama], *iş ady.* Agsamak ýagdaýy.

**AGSAMAK** [ağsamak], *işl.* **1**. Aýagyň agyrylylygy ýa-da aýaga şikes ýeteni üçin keýtikläp ýöremek. **2**. *göç.m.* Işde we ş.m. yza galmak, edilýän talapdan pes bolmak, asgynjaňlyk etmek.

**AGSAMAKLYK** [ağsamaklyk], *iş ady.* Agsamak ýagdaýy.

**AGSAMAZLYK** [ağsamazlyk], *iş ady.* Agsap hereket etmezlik.

**AGSAŞMAK** [ağsaşmak], *işl.* Köpçülikleýin agsamak, bilelikde agsamak.

**AGSATMAK** [ağsatmak], *işl.* **1**. Keýtikläp, agsap ýörär ýaly etmek, agsamagyna sebäp bolmak. **2**. *göç.m.* Biriniň abraýyny gaçyrmak maksady bilen onuň işini bilkastlaýyn bökdemek.

**AGSAÝYŞ** [ağsaýyş], *iş ady.* Agsamak ýagdaýy.

**AGSYL** [ağsyl], *at.* Gara we ownuk mallarda bolýan howply ýokanç kesel.

**AGŞAM** [ağşam], *at.* **1**. Gün ýaşyp, garaňky gatlyşan wagtynyň ady. *Agşamyňyz haýyrly bolsun!* (Alkyş-dileg). **2**. *hal.* Gün ýaşyp, garaňky gatlyşan wagty. *Aýly agşam Aýy gördüm, Gaýyp boldy bu derdim* (Aýdym). *Adaty endigine görä, ol her gün ir bilen hem-de agşamlaryna mallardan, çopanlardan habar tutýardy* ("Türkmenistan"). **3**. Yslam dininde parz hasaplanýan bäş wagt namazyň dördünjisiniň okalýan wagtynyň we şol namazyň ady. *Ýaşulular agsam namazyna durdular. Ol agşamyny okady.* **4**. Agşamyna geçirilýän medeni çäre, ýygnanyşyk. *Beýik akyldara bagyşlanyp, edebiýat agşamy geçirildi.*

◊ **Agşamyňyz haýyrly bolsun!** "giç ýagşy" manysyndaky aňlatma. **Agşam güli** köpýyllyk bezeg ösümligi, gijegözel.

**AGŞAMARA** [ağşama:ra], *hal.* Günüň ýaşýan wagty, iňrik garalan wagty, garaňky gatlyşan wagty; giçlik, agşamlyk. *Agşamaralar ganarlar gapana goýlanda, iň bir haýal ýygymçynyň ýygan pagtasy-da onuňkydan artyk gelýärdi* (G. Gurbansähedow).

**AGŞAMARARAK** [ağşama:rara:k], *hal.* Agşamara ýakyn.

**AGŞAMKY** [ağşamky], *syp.* **1**. Agşamyň dowamynda, gün ýaşandan soňky. *Onuň agşamky geljek haýsydyr bir myhmany hezzetlemek üçin, bazarlap gelýändigini aňan bolsalar gerek* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Agşam, agşamlaryna bolup geçýän; işleýän; öten agşam bolan. *Agşamky ýagyş.*

**AGŞAMLAMAK** [ağşamlamak], *işl.* Gijäni geçirmek, agşam baryp düşlemek. *Çopanlar täze ýurtda ilkinji agşamyny agşamladylar* (R. Gelenow).

**AGŞAMLAMAKLYK** [ağşamlamaklyk], *iş ady.* Agşamlamak ýagdaýy.

**AGŞAMLAÝYŞ** [ağşamlaýyş], *iş ady.* Agşamlamak ýagdaýy.

**AGŞAMLYK** [ağşamlyk], **1**. *hal, ser.* **Agşamara**. *Agşamlyk barjak bolaryn*. **2**. *syp., at.* Agşamyna iýmek üçin taýýarlanylýan, gijara iýilýän (nahar hakynda).

**AGŞAMRAK** [ağşamyra:k], *hal.* Agşama ýakyn. *Sen ataňlara agşamrak bar.*

**AGTA** [ağta], *syp.* Erkeklik agzasynyň mäzleri aýrylan, biçilen. *Olardan sähelçe yzda Juma töweregine höwes bilen garap, agta ýabysyny loňkuldadyp barýardy* (G. Kulyýew).

**AGTALAMA** [ağtalama], *iş ady.* Agtalamak ýagdaýy.

**AGTALAMAK** [ağtalamak], *işl.* Erkeklik mäzlerini aýyrmak, biçmek. *Höwür atdan başgasyny agtalap çykypdyrlar.*

**AGTALATMAK** [ağtalatmak], *işl.* **1**. Başga birine biçdirmek. **2**. Biçmäge mümkinçilik döretmek.

**AGTALAÝYŞ** [ağtalaýyş], *iş ady.* Agtalamak ýagdaýy.

**AGTALYK** [ağtalyk], *at.* Erkeklik mäzleri aýrylan, biçilen ýagdaý.

**AGTARMA** [ağtarma], *iş ady.* Agtarmak ýagdaýy.

**AGTARMAK** [ağtarmak], *işl.* **1**. Birini ýa-da bir zady gözlemek, bir zadyň gözlegine çykmak. *Agtaran – tapar* (Nakyl). **2**. Ýeke-ýeke, yzly-yzyna gözden geçirmek, agdarmak. *Gündeligi şol agtaryp otyrys* ("Edebiýat we sungat").

**AGTARMAKLYK** [ağtarmaklyk], *iş ady.* Agtarmak ýagdaýy.

**AGTARMAZLYK** [ağtarmazlyk], *iş ady.* Gözlemezlik.

**AGTARTMAK** [ağtartmak], *işl.* Başga birine gözletmek.

**AGTARYBERMEK** [ağtaryvermek], *işl.* Agtarmaga girişmek, gözlemäge başlamak.

**AGTARYLMAK** [ağtarylmak], *işl.* Biriniň ýa-da bir zadyň gözlenilmegi. *Şäher içindäki saraýlar agtaryldy* (B. Kerbabaýew).

**AGTARYŞ** [ağtaryş], **1**. *iş ady.* Agtarmak ýagdaýy. **2**. *at.* Gözläp tapmak maksady bilen geçirilýän barlag, ylmy esasda alnyp barylýan gözleg. *Ýazyjynyň döredijilik ýoly agtaryşlardan, gözläp tapmalardan ybarat*.

**AGTARYŞDYRMAK** [ağtaryşdyrmak], *işl.* Birnäçe ýola agtaryp çykmak, bir zady, birini köp ýerden gözlemek. *Ony gapyma-gapy agtaryşdyrdym. Kitabyň ähli sahypasyny agtaryşdyryp çykdym.*

**AGTARYŞMAK** [ağtaryşmak], *işl.* **1**. Agtarmaga kömek etmek. *Men onuň gözleýän zadyny agtaryşdym.* **2**. Bilelikde agtarmak. *Sülçüler bir zatlar agtaryşyp ýördüler.*

**AGTYK** [ağtyk], *at.* Öz ogluňdan ýa-da gyzyňdan bolan çaga.

**AGTYK-ÇOWLUK** [ağtyk-çowluk], *at.* Ogluňdan ýa-da gyzyňdan bolan çagalar hem-de agtyklaryň çagasy.

**AGUZYN** [a:ğuzyýn], *at.* Köplenç, ilkagşam, aý aýdyňda oýnalýan türkmen milli oýny.

**AGY** [a:ğy], *at.* **1**. Beden agyrysyna, açlyga (çaga) we ş.m. ýagdaýlara döz gelmän, çydaman, sesli aglaýyş. *Sözüň yzy aga ýazdy, Hemmeleriň keýpin bozdy* (Ç. Aşyr). **2**. Adam ölende şol öýde, öli ugradylanda, gölegçiler gaýdyp gelende we ş.m. ýagdaýlarda köpçülikleýin aglamaklyk däbi. **3**. Türkmen halk döredijiliginiň edebi görnüşleriniň (žanrlarynyň) biri.

◊ **Agysyny aglamak** biriniň ýa-da birtopar adamyň aladasyny etmek, şolaryň ugrunda jan çekmek. *Halkyň agysyny aglamak.*

**AGYBERMEK** [a:ğyvermek], *işl.* Agyp başlamak.

**AGYL** [a:ğyl], *at.* **1**. Mal saklamak üçin çöp-çalamdan, agaçdan we beýleki zatlardan edilýän aýmança, töwerekleýin gurulýan germew. *Agyl doly akja guzy, Ertir görsem, ýokja guzy* (Matal). **2**. *göç.m.* Gurşaw; aýlaw, halka. *Aýyň daşyn agyl alyp, Käte gara bulda batýar* (R. Seýidow).

**AGYLÇA** [a:ğylça], *at.* Kiçijik agyl, uly bolmadyk agyl, agyljyk. *Agylçalarynda iki sany semiz baggoýun hem gäwüşeýärdi* (B. Kerbabaýew).

**AGYLLAMA** [a:ğyllama], *iş ady.* Agyllamak ýagdaýy.

**AGYLLAMAK** [a:ğyllamak], *işl.* **1**. Bir zadyň töweregine agyl aýlamak. **2**. *göç.m.* Daşyna halka bolmak, gurşaw, aýlaw bolmak. *Gün gulaklap, Aý agyllar, Gar ýagar, garga gagyldar* (Dowan şahyr). **3**. Agylyň içinde bolmak. *Goýunlar gyşyna ýörite gurlan agyllarda agyllaýardylar.*

**AGYLLAMAKLYK** [a:ğyllamaklyk], *iş ady.* Agyllamak ýagdaýy.

**AGYLLAŞMAK** [a:ğyllaşmak], *işl.* **1**. Agyllamaga, agyl aýlamaga kömekleşmek. **2**. Köp sanlysy bile agyllamak (*ser*. **Agyllamak 3**). *Goýunlar ýandak agylyň içinde agyllaşyp ýatyrlar*.

**AGYLLATMAK** [a:ğyllatmak], *işl.* **1**. Başga birine agyl aýlatmak. **2**. Agyllamaga mümkinçilik döretmek, agyllamaga ýol bermek.

**AGYLLAÝYN** [a:ğyllaýyn], *hal.* Halkalaýyn, töwerekleýin.

**AGYLLAÝYŞ** [a:ğyllaýyş], *iş ady.* Agyllamak ýagdaýy.

**AGYM** [a:ğym], *at.* **1**. Öri meýdanyna sürlen süriniň otlap, kä tegelenip, kä öwrülip edýän dönümi, öwrümi. *Heniz iňrik garalmanka, süriniň hem agym edip gelýänligi mälim boldy* (A. Gowşudow). **2**. At seýislenende, onuň öwrüm edýän meýdany, çägi. *Pälwan hem Çaňlynyň atyny alyp, atyň agym edýän ýerine gitdi* ("Aşyk Çaňly").

**AGYMTYL** [a:ğymtyl], *syp.* Ak öwüsýän, çala ak.

**AGYN** [ağyn], *syp.* **1**. Tüýs, edil, hut, agynjak**.** *Tüweleme, ogly hem agyn özi ýaly.* **2**. Bütinleý, durşuna, tükel. *Men elinje bişen palaw diýýän, özem agyn käşir bolsun ýatsyn-la* ("Edebiýat we sungat").

**AGYNABERMEK** [a:ğyna:vermek], *işl.* Agynap başlamak, agynap ugramak; agynamagyny dowam etdirmek.

**AGYNAK** [a:ğynak] **I**, *syp.* Agynamagy gowy görýän, hemişe agynap ýören, agynagan. *Olaryň düýesi gaty agynak eken*.

**AGYNAK** [a:ğynak] **II**, *at.* Düýe agynaýan gumak ýer. *Ak maýa düzde gölerendir, gözlemäge gideýin diýip gidipdir; agynaklarda ýok eken, gölermändir* ("Nesil").

◊ **Agynak tutmak** agynakda bolan çukur, oý ýere düýäniň örküji gidip, aýak üstüne galyp bilmezlik.

**AGYNAMA** [a:ğynama], *iş ady.* Agynamak ýagdaýy.

**AGYNAMAK** [a:ğynamak], *işl.* **1**. Ýatyrka gapdallaryny, gerşini, ýanyny-ýagyrnysyny ýere oýkamak (düýe, at, eşek hakynda). *Ol agynap galan alaşa bakan ýüzlendi* (B. Kerbabaýew). **2**. *gepl.d.* Guma bulaşmak. *Topraga-toza agynap, saçynam çözüp goýberdi* ("Görogly"). **3**. *gepl.d.* Bir gapdalyňdan ikinji gapdalyňa öwrülmek, agdarylmak. *Ol örän ynjalyksyz, iki gapdalyna agynap, daňyny atyrdy.*

**AGYNAMAKLYK** [a:ğynamaklyk], *iş ady.* Agynamak ýagdaýy.

**AGYNAMAZLYK** [a:ğynamazlyk], *iş ady.* Agynamak hereketini etmezlik.

**AGYNAŞMAK** [a:ğynaşmak], *işl.* Birnäçe bolup bile agynamak. *Düýeler ürgün çägäniň üstünde agynaşýardy.*

**AGYNATDYRMAK** [a:ğynatdyrmak], *işl.* Agynamaga ýol bermek. *Düýäni ekinçiligiň içinde agynatdyraýsaň, menden gaty görmegin.*

**AGYNATMAK** [a:ğynatmak], *işl.* Agynamagyna ýol bermek, mümkinçilik döretmek.

**AGYNAÝYŞ** [a:ğynaýyş], *iş ady.* Agynamak ýagdaýy.

**AGYNJAK** [ağynjak], *ser.* **Agyn**. *Bütin durky agynjak şol-da* (A. Nazarow).

**AGYNYK** [a:ğynyk], *ser*. **Agynak II**.

◊ **Agynyk tutmak** agramynyň köpüsiniň ýapaşaga, oýa düşmegi sebäpli, agynaýan düýäniň ýerinden turup bilmezligi. *Onuň erkegi agynyk tutup ýatan eken.*

**AGYP-DÖNME** [a:ğyp-dö:nmö], *iş ady.* Agyp-dönmek ýagdaýy.

**AGYP-DÖNMEK** [a:ğyp-dö:nmök], *işl.* **1**. Belli bir düzgün boýunça öňe gitmek we yza öwrülmek. *Süri ýapa ýarmaşyp, agyp-dönüp ýörendir.* **2**. Aşak-ýokaryk hereketlenmek; elek-çelek bolmak, bir kadada durman hereket etmek (adamyň gözi hakynda). **3**. Öwşün atmak, dürli öwüsmek, reňki üýtgäp durmak, al-elwan reňkde öwüsmek. *Reňki hywa donunyň matasy ýaly agyp-dönüp durýardy* (B. Seýtäkow). **4**. *göç.m.* Durnuksyz bolmak, belli pikirde durmazlyk. *Hojamberdiniň agyp-dönüp durşy Garaja ýakmasa-da, ol onuň bilen kejeleşmedi* (R. Gelenow). **5**. *göç.m.* Ýaýnap gezmek, arkaýynlykda güzeran görmek, islediginçe döwran sürmek.

**AGYP-DÖNMEKLIK** [a:ğyp-dö:nmöklük], *iş ady.* Agyp-dönmek ýagdaýy.

**AGYP-DÖNMEZLIK** [a:ğyp-dö:nmözlük], *iş ady.* Agyp-dönmek hereketini etmezlik.

**AGYP-DÖNÜŞ** [a:ğyp-dö:nüş], *iş ady.* Agyp-dönmek ýagdaýy.

**AGYR** [ağyr], *syp.* **1**. Agramy köp. *Bir çuwal bugdaýyň agramy garaşylanyndan agyr çykdy.* **2**. *göç.m.* Kyn, kynçylykly, azaply, zähmetli, jepaly. *Agyr durmuş. Agyr iş.* **3**. Akyl ýetirmesi çetin, kyn, çylşyrymly. *Gojanyň berýän maslahaty çaga düşünerden, oňa jogap bererden has agyrdy* (B. Kerbabaýew). **4**. Etlek, semiz, doly; daýaw. *Agyr göwre*. **5**. Petiş, dymyljyk, sergin däl; basmarlaýjy, darykdyryjy. *Näsagyň göwnüne otagyň howasy agyrdy.* **6**. Jan üçin howply. *Çaganyň ýagdaýy hakykatdan-da agyrdy* (B. Kerbabaýew). **7**. Berk, oýanmasy kyn. *Ýaz geler, wagt-da gider, gaflatda galmyş gözlerim, Açaýyn diýsem açylmaz, ne agyr uýkulydyr* (Magtymguly). **8**. Köp altyn-kümüş siňdirilen, gymmatbaha. *Onuň ýaly agyr şaýlar ýasatmak baýlygyň nyşanydy.* **9.** Uzaga çeken, bejermesi kyn. *Agyr kesel*. **10**. Aldym-berdimli, güýçli, dartgynly barýan. *Agyr söweşleri başdan geçiren esger gürrüň berýärdi.* **11**. San taýdan köp. *Agyr goşun. Agyr ýygyn toplandy* ("Görogly"). *Agyr bezirgenli, tüçjar eýeler* (Magtymguly). **12**. *göç.m.* Ardyryjy, ýadadyjy, iriziji, uzak. *Onuň agyr ýoldan soň irkilesi gelýärdi.* **13**. Ini-boýy äpet, uly. *Bu jaýlaryň içine agyr haly-palaslar düşelgi* ("Görogly"). **14**. Galyň (gar hakynda). *Ýere agyr gar düşdi*. **15**. *göç.m.* Pajygaly, ölüm-ýitim bilen baglanyşykly, ajy, çydamsyz. *Agyr habar*.

◊ **Agyr degmek 1)** göwne degiji täsir etmek, ýokuş degmek. **2)** ölüm-ýitim dagyny çekmek. **Agyr dem almak** demi iki egniňden almak, kynlyk bilen sojap dem almak. **Agyr düşmek** *ser.* **Agyr degmek**. **Agyr nahar** siňmesi kyn, aşgazana, içegä agram salýan nahar. **Agyr söz** gödek söz, paýyş, göwne degiji söz, ajy söz. **Agyr ýüki bagjygy** maly-emlägi, hiç ilteşigi ýok, syrma sallah, öýi arkasynda, çemçesi bilinde, hiç aladasy ýok. **Agyr ýüz** rehim-şepagatsyz ýüz, yzgytsyz, hyrsyz keşp, domma, gaharly ýüz. **Agyr ýüzli** *ser.* **Agyr ýüz**.

**AGYR-AGYR** [ağyr-ağyr], *syp*. **1**. Çylşyrymly, düşünmesi ýeňil bolmadyk, kyn (köp zat hakynda). *Agyr-agyr sözlemler derňeldi.* **2**. Kuwwatly hem uly (köp zat hakynda) *Agyr-agyr döwletleriň dargamagyna halkymyzyň öz içki agzalalygy sebäp bolupdyr* ("Nesil").

**AGYRAK** [a:ğyrak], *syp.* Agyryp duran, agyryp ynjalyk bermeýän, yza beregen, agyragan. *Agyrak düwürtik.*

**AGYRAMA** [a:ğyrama], *iş ady.* Agyramak ýagdaýy.

**AGYRAMAK** [a:ğyramak], *işl.* **1**. *ser.* **Agyrmak**. *Syzlawuk agyrap, ynjalyk berenok.* **2**. *göç.m.* Birinden göwnüň galmak, bir zat zerarly ynjamak, göwün kineli bolmak. *Ondan agyran ýeri ýokdy.*

**AGYRAMAKLYK** [a:ğyramaklyk], *iş ady.* Agyramak ýagdaýy.

**AGYRAŞMAK** [a:ğyraşmak], *işl.* **1**. Yzygiderli agyrap durmak (endam-janyň hakynda). *El-aýagynyň çöp çyzan ýerleri agyraşýardy*. **2**. *göç.m.* Biri-birinden gaty görüp ynjaşmak. *Sähel zat üçin biri-biriňden agyraşyp durmaň. Onuň goňşusy bilen agyraşanyny, ynjaşanyny gören ýokdy.*

**AGYRATMAK** [a:ğyratmak], *işl., ser*. **Agyrtmak**.

**AGYRLAÇ** [ağyrlaç], *syp.* **1**. Ýuwaşlyk bilen, larsyldyly; saldamly. *Agyrlaç lars-lars gaýnaýan toşabyň reňki öwrülipdir* (B. Kerbabaýew). **2**. Agyr täsirliräk, gaharlyrak. *Onuň agyrlaç nazaryna özüçe düşünesi geldi*.

**AGYRLAŞAŇKYRLAMAK** [ağyrlaşaňkyr-lamak], *işl.* Agyrlaşmaga ýakynlamak.

**AGYRLAŞDYRMAK** [ağyrlaşdyrmak], *işl.* **1**. Agyrlygyny artdyrmak, agramyny köpeltmek, agraltmak. *Gerekmejek paty-puty bilen erkegiň ýüküni agyrlaşdyrýarsyň.* **2**. *gepl.d.* Kynlaşdyrmak, ýaramazlaşdyrmak. *Gijesi bilen ýagan gar çopanlaryň işini agyrlaşdyrdy.* **3**. *göç.m.* Çylşyrymlaşdyrmak, erbetleşdirmek. *Bu olaryň eden jenaýatyny has-da agyrlaşdyrýar.*

**AGYRLAŞMA** [ağyrlaşma], *iş ady.* Agyrlaşmak ýagdaýy.

**AGYRLAŞMAK** [ağyrlaşmak], *işl.* **1**. Amala aşyrylmasy kynlaşmak, agyr düşüp başlamak. *Salgyt ýygnamak agyrlaşdy* (B.Seýtäkow). **2**. Ýaramazlaşmak,

erbetleşmek, kynlaşmak. *Günler gün-günden agyrlaşýardy. ...Hemme zat "Front" üçindi* ("Türkmen dili"). **3**. Saglygy pese düşmek, haýallamak, beterleşmek, asgynlamak. *Düýn onuň ýagdaýy gaty agyrlaşdy* (B. Seýtäkow).

**AGYRLAŞMAKLYK** [ağyrlaşmaklyk], *iş ady.* Agyrlaşmak ýagdaýy.

**AGYRLAŞYBERMEK** [ağyrlaşyvermek], *işl.* Agyrlaşyp başlamak.

**AGYRLAŞYŞ** [ağyrlaşyş], *iş ady.* Agyrlaşmak ýagdaýy.

**AGYRLYK** [ağyrlyk], *at.* **1**. Haýsydyr bir zadyň ölçeg arkaly kesgitlenýän agramy. *Agyrlyk ölçegi.* **2**. Ýüküň we ş.m. agramynyň köplügi, agramyň artyklygy. *Ýüküniň agyrlygyndan maşyn zordan gymyldaýardy*. **3**. *göç.m.* Kynçylyk, güzaplyk, kösenmeklik. **4**. *göç.m.* Çykgynsyzlyk, çekip-çydamak mümkin dällik. **5**. Agraslyk, haýallyk. *Döwletmämmet oglunyň içki howsalasyndan habardar ýaly, adaty sowukganlylyk, süňňi agyrlyk bilen oturyp-turýardy* (G. Kulyýew)

◊ **Agyrlyk güýji** Ýeriň dartyş güýji bilen Ýeriň aýlanmagy netijesinde döreýän merkezden gaçýan güýjüň deň täsir edijisi. **Agyrlyk merkezi** jisimiň aýry-aýry bölejiklerine täsir edýän we olar deňölçegli bolan ugurdaş dartyş güýçleriniň deň täsir edijisiniň goýlan nokady.

**AGYRMAK** [a:ğyrmak], *işl.* Näsaglyk, ýeten şikes we ş.m. zerarly bedende, endamda yza, agyry duýmak, yza çekmek. *Gaty keçäniň üstünde ýanlary agyryp, iki ýana agdarylýarlar* (N. Saryhanow).

**AGYRRAK** [ağyrra:k], *syp.* Deňeşdirilýän zadyň agramyndan, garaşylan agramdan, bolmalysyndan az-kem agyr. *Ýüküň-ä agyrrak eken.*

**AGYRSYRAMAK** [ağyrsyramak], *işl.* Agras bolan bolup hereket etmek, özüňi agras görkezmäge çalyşmak.

**AGYRTMAK** [a:ğyrtmak], *işl.* **1**. Agyra sezewar etmek, agyrmagyna sebäp bolmak. *Näme, eliňi agyrdaýdyňmy?* (B. Pürliýew). **2**. *göç.m.* Biriniň göwnüne degmek, birini ynjytmak, göwnüni ýykmak. *Adam bardyr, ony şalar çagyrdar, Adam bar, zulm edip, garyp agyrdar* (Magtymguly).

**AGYRY** [a:ğyry] **I**, *at.* **1**. Näsaglyk ýa şikes ýetmegi zerarly döreýän yza. *Içinden tutýan agyry ony öz erkine goýmady.* **2**. Kesel. *Ol derman ençeme gezek ýürek agyrysyndan halas edipdi* (T. Gurbanow).

◊ **Agyryňa çydasaň, müň ýaşa!** "etmesiz zady edip kösenesiň gelse, edeniňi ediber" diýen manyda ulanylýar.

**AGYRY** [a:ğyry] **II**, *at.* Bir zat hakynda edilýän alada. *Ol işiniň agyrysyny edenok.*

**AGYRYLY** [a:ğyryly], *syp.* **1**. Agyrysy bar bolan, yzaly, agyrýan. *Çagasynyň şol ýagdaýyna enäniň agyryly ýüregi beter awaýardy* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Ünjä goýýan, böwrüne sanjy bolýan, ynjalyk bermeýän. *Inim, beýle agyryly ýeriň bar bolsa, öňräk aýtsaň bolmadymy?* ("Edebiýat we sungat").

**AGYRYLYRAK** [a:ğyrylyra:k], *syp.* Birneme agyryly, az-kem agyryly. *Agyrylyrak dişler.*

**AGYRYSYZ** [a:ğyrysyz], *syp.* Agyrysy bolmadyk, yzasyz, agyrmaýan. *Agyrysyz ýara.*

**AGYRYSYZLANDYRMAK** [a:ğyrysyzlannyrmak], *işl.* Agyrysyny aýyrmak, agyrysyny duýmaz ýaly etmek. *Ýarany agyrysyzlandyrdylar.*

**AGYRYSYZLANMA** [a:ğyrysyzlanma], *iş ady.* Agyrysyzlanmak ýagdaýy.

**AGYRYSYZLANMAK** [a:ğyrysyzlanmak], *işl.* Agyrysy, yzasy köşeşmek, awuşamasy aýrylmak. *Ýara agyrysyzlandy.*

**AGYRYSYZLANMAKLYK** [a:ğyrysyzlanmaklyk], *iş ady.* Agyrysyzlanmak ýagdaýy.

**AGYRYSYZLANYŞ** [a:ğyrysyzlanyş], *iş ady.* Agyrysyzlanmak ýagdaýy.

**AGYRYSYZLYK** [a:ğyrysyzlyk], *at.* **1**. Agyrysy ýokluk. **2**. Biagyrylyk, biperwaýlyk.

**AGYRYSYZRAK** [a:ğyrysyzyra:k], *syp.* Agyrysy azrak.

**AGYRYŞMA** [a:ğyryşma], *iş ady.* Agyryşmak ýagdaýy.

**AGYRYŞMAK** [a:ğyryşmak], *işl., ser.* **Agyraşmak** **1**, **2**. *Oýun gurma hatyn bile, baş bilen, Agyryşmagyl deňiň bile, duş bilen* (Kätibi).

**AGYRYŞMAKLYK** [a:ğyryşmaklyk], *iş ady.* Agyryşmak ýagdaýy.

**AGYRYŞYLMAK** [a:ğyrşylmak], *işl., ser.* **Agyryşmak**. *Onuň bilen telim ýyllap agyryşylman, ynjaşylman, goňşy bolnup oturylandyr*.

**AGYŞ** [a:ğyş], *iş ady.* Agmak ýagdaýy.

**AGYŞMAK** [a:ğyşmak], *işl.* Belli bir sepgitden agmak, geçmek. *Ol ýaşy elliden agyşan adamdy.*

**AGYZ** [ağyz], *at.* **1**. Adamlaryň, haýwanlaryň ýokarky we aşaky äňiniň aralygyndaky iýmek, içmek, ses çykarmak hyzmatyny ýerine ýetirýän dil, diş ýerleşýän beden agzasy. *Süýtde agzy bişen suwy üfläp içer* (Nakyl). **2**. Iki dodagyň uzaboýundaky aralyk. *Böriniň agzy iýse-de gan, iýmese-de gan* (Nakyl). *Agzy meňli aşa ýakyn, eli meňli – işe* (Nakyl). **3**. Gap-gajyň zat salmak, guýmak üçin bokurdagy (içine zat salnandan soň dykylýan, bogulýan, daňylýan ýeri). *Il agzyny ýygyp bolmaz, çelek agzyny bogup bolmaz* (Nakyl). *Dykalap-dykalap, agzyny bogup, Torbajygmy egne atan badyma, Gulagmyň düýbüne bir şapbat degip, Özümden gidenim düşýär ýadyma* (K. Gurbannepesow). **4**. Topuň, tüpeňiň we ş.m. niliniň gutaran ýerindäki

deşik. *Topuň agzy hoňkaryp durdy*. **5**. Girilýän gapynyň, derwezaniň we ş.m. öňi, öň ýüzi. *Ol gapynyň agzynda aýak çekip, diňirgenip durdy* (G.Kulyýew). **6**. Iş, hojalyk gurallarynyň bir zady tutmak, goparmak, döwmek we ş.m. üçin açylyp-ýapylýan haçja şekilli ujy. *Atagzynyň agzy*. **7**. *göç.m.* Dil. *Haý, agzyma geleni şol boldy*. **8**. Bir ýeriň girelgesi, çykalgasy. *Jülgäniň agzy. Hiniň agzy. Gowagyň agzy.*

◊ **Agyz açmak 1)** haýran galmak, geň galyp aňkarmak. *Adamlar içlerini çekip, agyzlaryny açdylar* (B.Seýtäkow). **2)** gün ýaşandan soňra iýip-içmek (oraza tutýanlar hakynda). *Aýtar enem sen gopgul, ruza agzyňny açgyl* (Hoja Ahmet Ýasawy). **Agyz beklemek** oraza (remezan) aýynda daňdandan garaňky gatlyşýança hiç zat iýip-içmezlik. **Agyz birikdirmek** bir zady amala aşyrmak üçin pikiriňi bir ýere jemlemek, bir çukura tüýkürmek, dilleşmek, agzybir hereket etmek üçin wadalaşmak. *Şonuň üçin-de köpläp, agyz birikdirip, bu işiň hötdesinden gelmegimiz gerek* (B. Seýtäkow). **Agyzda aş gatyklamak** bolsady ekmek, boş, soňy gelmejek wada bermek, dilde hemme zady bol-elin etmek. *Il-günüm üçin diýip, agzynda aş gatyklaýar* ("Edebiýat we sungat"). **Agyzdan-agza geçmek** ýuwaş-ýuwaşdan köpçülige mälim bolmak, il arasyna ýaýramak. **Agyzda bolmak** bir ugurdan dile düşmek, il arasynda adyň ýygy-ýygydan tutulmak. *Aýakda bolandan, agyzda bol* (Nakyl). **Agyz dolduryp aýtmak (geplemek)** öwünmek, mahabatly sözler bilen bir zady ulaldyp gürrüň etmek. *Ol kesewi ýaly şar gara aýagyny owkalap ýatyşyna: – Şahyr, arkaýyn boluň – diýip, agzyny dolduryp gepledi* (G. Kulyýew). **Agyz suwarmak** iýesiň gelip, ymsynyp ýuwdunmak, gultunmak. *Işşek goýnuň terje eti kimiň agzyny suwartmaýar* (B.Kerbabaýew). **Agyz suwy** içilýän suw. *Biz geljekde hem halkymyzy ýeterlik möçberde arassa agyz suwy bilen üpjün etmäge uly üns bereris* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr"). **Agyz ülňüsini aňmak** *ser.* **Agzyny ysgamak**. *Bize nama aýdyp ber hany, agyz* ülňüsini *aňaly* ("Görogly"). **Agyz ýaglamak** amala aşmajak zady arzuw etmek, öz ýanyňdan göwnüňi hoşlamak, bolsady ekmek. *Ol diýen zatlaryňy eder öýdüp, agyz ýaglap oturma*. **Agza aňkarmak 1)** kişi maslahatyna gulak gabartmak. *Göreniň agzyna aňkaryp ýörme*. **2)** biriniň aýdan sözüne haýran galyp, ony dykgat bilen diňlemek. *Oglan ertekiçiniň agzyna aňkaryp otyrdy*. **Agza-burna gelmek** ekinler ýetişip, gawun-garpyzlar bişip, hasylyny ýygnabermeli bolmak (bu aňlatma olaryň hasylynyň eýesine, ekini eken adama nesip etmedik ýagdaýynda ulanylýar). *Gawun-garpyzlar bişip başlap, ýaňy agza-burna gelende, güýçli doly ýagyp, ekinleri bir ýanyndan zaýalap gitdi.* **Agzyna ýapyşmak** gürrüňi bes etdirmäge çalyşmak, gürrüňe garşylyk görkezmek. *Sen hemişe şolar hakynda gürlesem, agzyma ýapyşýarsyň*. **Agza, dile düşmek** bir iş, waka zerarly ile gürrüň bolmak. **Agza gelenini otlamak (otarmak)** bolar-bolmaz samahyllamak, aýdýan zadyň manysyna üns bermän gürlemek, biderek ýaňramak. *Märekede agza gelenini otlap oturmazlar*. **Agzy aja degmek** tirýek çekip başlamak, tirýeki bolmak, neşe çekmek. **Agzy aşa ýetmek** ýaşaýyş derejesi, güzerany oňatlaşmak, maddy taýdan üpjün bolmak, mätäçlikden çykmak. *Ýetimiň agzy aşa ýetende, burny ganar* (Nakyl). **Agzy bimaza** aş saýlaýan, göwresinde çaga galan, göwreliligiň ilkinji döwrüni başdan geçirýän. **Agzy boş (jäheksiz)** ýerini-jaýyny bilmän ýaňrap ýören, agzyna eýelik etmeýän. **Agzy dek durmazlyk** geplemän oturyp bilmezlik, gepläp oturmak. *Märekede onuň agzynyň dek durjak gümany ýokdur* ("Edebiýat we sungat"). **Agzy emzikli ýaly** özüni oňarmaýan, öz başyny çarap bilmeýän, agzy sary. **Agzy gowşak** diýmeli sözi diýip, pikirini aýdyp bilmeýän, özüni oňarmaýan, lellim. – *Seniň örän agzyň gowşak* (H. Derýaýew). **Agzy gum garbamak 1**) bir zadyň güýjünden, täsirinden ýüzin ýykylmak, ýüzin ýazylyp gitmek. **2**) ölmek. **Agzy mumly (mumlanan) ýaly** dymma, gürlemän dymyp oňýan, geplemezek. **Agzyna ak-da gelse diýmek, gara-da gelse** birine diline gelen sözleri aýtmak. **Agzyna bek (berk)** gepi içinde saklaýan, syr bermezek. **Agzyna çöp ölçemek** biriniň çenini-çakyny aňmak, agyz ülňüsini aňmak, çenini bilmek. **Agzyna goýmak** öz ýerlikli hereketi ýa-da jaýdar sözi bilen garşydaşyny ýeňmek, gürlemez ýaly etmek. **Agzyna gulp urmak** geplemez ýaly etmek, dil ýaryp bilmez ýaly etmek. **Agzyna it daňlan ýaly** hemişe lakgyldap oturan, yzyny üzmän ýaňraýan, ýaňra, lakgy. *Ýeri how, agzyňa it daňlan ýaly bolup oturmasana.* **Agzyna öýkünmek** göwnüýetmezçilik edip, kinaýa bilen biriniň gürleýşine meňzedip geplemek. *Beýdişip, biri-birimiziň agzymyza öýkünişip dursak, biz oňly zadyň üstünden barmarys* (B. Seýtäkow). **Agzyna salyp bermek** biriniň diýjek-aýtjak zadyny öwretmek. *Kiçijik çaganyň aýtmajak, diýmejek sözlerini onuň agzyna salyp berýärler* ("Edebiýat we sungat"). **Agzyna sogan dogramazlyk** birine boýun bolmazlyk, äsgermezlik etmeklik, sylag-hormat etmezlik. **Agzyna suw alan ýaly** *ser.* **Agzy mumly (mumlanan) ýaly**. *Ol agzyna suw alan ýaly boldy*. **Agzyna suw damdyrmazlyk** birine kyn günde kömek etmezlik. **Agzyndan düşürmezlik** zol-zol gaýtalap durmak, öwgi, alkyş bilen ýatlap ýörmek. *Eli-aýagy dert görmesin, Berdi jan diýip agzyndan düşürenok* (H. Derýaýew). **Agzyndan (kakyp) almak** biriniň gürrüňini bölmek, diýjek zadyny

özünden öňürtmek, diline gelenini gürrüňdeşine gezek bermän aýtmak. *Onuň aýdyp duran sözlerini Ogulgerek agzyndan kakyp aldy* (N. Saryhanow). **Agzyndan ot saçmak** haýbat atmak, düblemek. **Agzyndan sagyp almak** gep-gürrüňi zoraýakdan aýtdyryp eşitmek. **Agzyndan sarysy gitmedik** *ser.* **Agzyndan süýt ysy gitmedik.** *Näme üçin agzyndan sarysy gitmedik oglany iberdiň?* ("Hüýrlukga – Hemra"). **Agzyndan süýt ysy gitmedik** durmuş tejribesi ýeterlik bolmadyk, ýaş, gögele, kemala gelmedik. **Agzyny ajatmak** birine göwne alar ýaly söz aýtmak, keýpini gaçyrmak. *Köneden galan zady ýatlap, onuň agzyny ajatdylar.* **Agzyny alartmak** bir adamy ikinji biri bilen tersleşdirmek, arasyna çöp atmak, biri-birine duşman etmek. *Adamlaryň agzyny alartmak erbet zat*. **Agzyny baglamak** gürlemez ýaly etmek, birini öz garşyňa çykmaz ýaly etmek. **Agzynyň diýenini gulagy eşitmezlik** seljermän, saýlaman, diliňe gelenini aýdyp oturmak, ýaňramak. **Agzynyň eýesi däl** aýtmasyz gepi gepleýän, diline buýrup bilmeýän ýaňra. *Heleý, senem agzyň eýesi-hä dälsiň* ("Edebiýat we sungat"). **Agzyny öweltmek** bir zada haýran galmak, mönlük bilen aňalyp durmak, agzyňy açyp durmak. **Agzyny ysgamak** biriniň pikirini bilmek, synamak. **Agzyny ýerden tapan ýaly** hetdenaşa köp gepleýän, bolgusyz zatlar hakynda lakgyldap ýören, ýaňra. **Agzyňa alar ýaly däl** aýdýan sözleri gaty hapa, aýdar ýaly däl. *Onuň adamlara aýdýan sözlerini agzyňa alar ýaly däl, şeýle ýaramaz adam eken.* **Agzyňa bakdyrmak** öz diýeniňi geçirmek, köpe diýeniňi etdirmek. **Agzyňa buýurmak 1)** gepi-gürrüňi aýtman saklanmak, syr saklamak. *Ol agzyna buýurýandyr, oňa syr ynansa bolar.* **2)** berhiz tutmagy başarmak, iýjek-içjek zadyňy seljerip bilmek. *Aşgazanyňdan zeýrenseň, agzyňa buýrarlar.* **Agzyňa siňek gonduryp ýörmek** özüňi oňarman, agzyňy öweldip ýörmek, eliňden iş gelmän, lellimlik etmek, öz başyňy özüň çaramazlyk. **Agzyň bilen ak guş almak** güpläp, bolar-bolmaz gep otarmak, hemme zady aňsat etmek, amala aşjagy-aşmajagy gümana zatlar hakynda öwünmek. *Onuň ýanynda müşgil zat bolmaz, haçan görseň, agzy bilen ak guş alyp otarandyr.* **Agzyň bir bolmak** ylalaşykly bolup, bile hereket etmek (bir işe baş goşaňda, girişeňde). **Agzyň bişmek** bir zatdan çürkenmek, kösenmek, utulmak, bir işe ulaşyp, çykgynsyz güne düşmek. *Tutaryksyz gürrüňden birnäçe gezek agzy bişipdi* (A. Durdyýew). **Agzyňdan al alsyn (kaksyn)** daş etsin, ýaman niýetden daş edewersin. **Agzyňdan gaçyrmak** bir gürrüňi aýdanyňy bilmän galmak, bir syry duýdansyz paş etmek, diliňden sypdyrmak. **Agzyň gyzmak** gürrüňe gyzyşyp, çendenaşa köp gürlemek, artykmaç ýaňramak. *Eý, Görogly, sen käwagtlar agzyň gyzanda, gaty gidiberýärsiň* ("Görogly"). **Agzyň suwarmak** iýesiň gelmek ýa-da iýmiti görüp, işdäň açylmak. **Agzyň tagam tapmak** bir zatdan gönenmek, bir işden peýda görmek. **Agzyňy deňemek** özüňçe bar-ýok bilen deň sanaşyp durmak. **Agzyňy gury çöp bilen çalmak** baryňy ýok diýip oturmak, gysgançlyk, husytlyk etmek. **Agzyňy ýygmak** diliňi öz ugruna goýbermezlik, biderek gürrüň etmegi goýmak. *Gören zadyňy samrap ýörme-de, agzyňy ýyg! Il agzyny ýygyp bolmaz, çelek agzyny – bogup* (Nakyl). **Agzy orazaly** Oraza aýynda agzyny bekleýän (adam hakynda). **Agzy sary** ederini bilmeýän gögele, tejribesiz. *Seniň ýaly agzy sary oglanyň elinden şol gyzy alyp bilmesem, men hem ussa adymy taşlaryn* (A. Durdyýew). **Agzyň ýagjarmazlyk 1)** tagamly, teýli nahar iýmezlik. **2)** nepi degmezlik, haýry ýetmezlik. *Ondan agzyň ýagjarasy ýok-la!* **Agzy ýalak (hatap) ýaly** agzy uly, ýiriljäp duran agyzly. **Agzyň ýelini almak** gürläp keýpden çykmak, müň gepiň başyny agyrtmak. **Agzy ýelli** bir gürrüňi bolşundan has beter ulaldýan, hakyky ýagdaýy çişirip, üstüne ýalan-ýaşryk goşup gürrüň berýän (adam hakynda). **Agzy ýetse, gulagyny iýjek** gara nebsiniň ýesiri, açgöz. **Agzy ýetse, iki çigniniň etini iýjek** nebisjeň, gysganç. **Agzy ýirik** bolar-bolmaz zatlar hakynda ýaňrap ýören.

**AGYZBOGY** [ağyzvoğy], *at.* Haltanyň, çuwalyň, ganaryň we ş.m. agzyny bogmak üçin ulanylýan ýüp, bag. *Ol ýygan pagtasyny ganara saldy-da, ganaryň agyzbogusyny düwmäge durdy.*

**AGYZBOGULYK** [ağyzvoğuluk], *syp.* Halta, çuwal, ganar we ş.m. gaplaryň agzyny daňmak, bogmak üçin niýetlenen (ýüp, bag). *Agyzbogulyk ýüp.*

**AGYZDAN-AGZA** [ağyzzan-ağza]**: agyzdan-agza geçmek (ýaýramak)** dilden-dile geçmek, il arasyna ýaýramak, äşgär bolmak. *Agyzdan-agza geçip gelýän halk döredijiligi.*

**AGYZGAPAK** [ağyzğapak], *at.* Bir zadyň agzyny ýapmak üçin gapak, agyzýapy.

**AGYZLANDYRMAK** [ağyzlannyrmak], *işl.* Agyzlanmagy öwretmek, agyzlanmaga endik etdirmek.

**AGYZLANMA** [ağyzlanma], *iş ady.* Agyzlanmak ýagdaýy.

**AGYZLANMAK** [ağyzlanmak], *işl.* **1**. Emmegi öwrenmek. *Guzular indi kemsiz agyzlanypdy.* **2**. *göç.m.* Dogumlanmak netijesinde öz diýenini gögerdýän, aýtjagyny çekinmän aýdýan, tutan ýerini goparýan adam bolmak. *Ol soňky döwürde gaty agyzlanypdyr.*

**AGYZLANMAKLYK** [ağyzlanmaklyk], *iş ady.* Agyzlanmak ýagdaýy.

**AGYZLANYBERMEK** [ağyzlanyvermek], *işl.* Agyzlanyp başlamak.

**AGYZLANYŞ** [ağyzlanyş], *iş ady.* Agyzlanmak ýagdaýy.

**AGYZLAŞMAK** [ağyzlaşmak], *işl.* Biriniň aýdan sözüne gaýtargy bermek arkaly oňa gaýtawul bermek, agzyňy deňemek, sanaşmak. *Şu guluň syrtyndan goltgy berýän barmyka diýýän. Ýogsa gul kim, meniň bilen agyzlaşmak kim?* (A.Gowşudow).

**AGYZLY** [ağyzly], *syp.* **1**. Agzy bar. *Agyzly ýara.* **2**. Agzy uly, gumy köp tutýan. *Agyzly pil.* **3**. *göç.m.* Öz diýenini gögerdýän, aýtjagyny çekinmän aýdýan, tutan ýerini goparýan. *Ol diýseň agyzly adamdy, hemişe sözüni gögerderdi.*

**AGYZLYLYK** [ağyzlylyk], *at.* Gepi-sözi ýol alýan, öz diýenini gögerdýän. *Beýle agyzlylyk hem hemme kişä başardyp duranok.*

**AGYZLYRAK** [ağyzlyra:k], *syp.* Beýlekilerden azda-kände agyzly, diýjegini diýýän.

**AGYZSYZ** [ağyssyz], *syp.* **1**. Agzy bolmadyk. *Syzzyldaşar tenim Eýýup teni dek, Kişi bilmez, bir agyzsyz ýaradyr* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Aýtjagyny aýdyp bilmeýän, çekinjeň.

**AGYZSYZLYK** [ağyssyzlyk], *at.* **1**. Agzy bolmazlyk, agzy ýokluk. **2**. *göç.m.* Aýtjagyny aýdyp bilmezlik, çekinjeňlik.

**AGYZÝAPY** [ağyzýapy], *at, ser.* **Agyzgapak**.

**AGYZÝAPYLYK** [ağyzýapylyk], *syp.* Agyzýapy etmek üçin ýaramly.

**AGYZZYRYK** [ağyzzyryk], *at.* Uýanyň ujuna berkidilip, atyň agzyna salynýan süýnmek, halkaly iki bölek demir. *Alaşa ýazdyrylan agyzzyrygyny şakyrdadyp, gury saman çeýneýärdi* (B. Kerbabaýew).

**AGYZZYRYKLAMA** [ağyzzyryklama], *iş ady.* Agyzzyryklamak ýagdaýy.

**AGYZZYRYKLAMAK** [ağyzzyryklamak], *işl.* **1**. Atyň agzyna agyzzyryk salmak, geýdirmek. *Ýabyny agyzzyryklamak. Aty agyzzyryklap münmek.* **2**. *göç.m.* Öz diýeniňe boýun etmek, özüňçe hereket etmäge mejbur etmek.

**AGYZZYRYKLAMAKLYK** [ağyzzyryklamaklyk], *iş ady.* Agyzzyryklamak ýagdaýy.

**AGYZZYRYKLAMAZLYK** [ağyzzyryklamazlyk], *iş ady.* Agyzzyryk salmazlyk.

**AGYZZYRYKLANMAK** [ağyzzyryklanmak], *işl.* **1**. Agzyna agyzzyryk salynmak (at hakynda). **2**. *göç.m.* Biriniň diýenine boýun edilmek, başga biriniň aýdany boýunça hereket etmäge mejbur edilmek.

**AGYZZYRYKLAŞMAK** [ağyzzyryklaşmak], *işl.* **1**. Agyzzyryklamaga kömekleşmek. **2**. Birnäçe bolup bilelikde agyzzyryklamak.

**AGYZZYRYKLATMAK** [ağyzzyryklatmak], *işl.* **1**. Agyzzyryklamak işini başga birine etdirmek. **2**. Agyzzyryklamaga mümkinçilik bermek.

**AGYZZYRYKLAÝYŞ** [ağyzzyryklaýyş], *iş ady.* Agyzzyryklamak ýagdaýy.

**AGYZZYRYKLY** [ağyzzyrykly], *syp.* **1**. Agzyna agyzzyryk salnan, agyzzyryk geýdirilen (at hakynda). **2**. *göç.m.* Boýun egdirilen, tabyn edilen.

**AGÝAR** [ağýa:r], *at, k.d.* **1**. Keseki, ýat; özge, gaýry. *Meni mahrum edip, agýar birle ýarlyk kylma* (Baýram han Türkmen). *Jamy meý sundugyň görmesin agýar, Gelmenem aklyma görmeýen känim* (Magtymguly). *Agýary neýlerem, maňa ýar gerek, gaz ornuga zaglar tutarmy derek* (Talyby). *Nobaty agýara berdim, nobatymdan aýrylyp, Galmady mejlisde söhbet, söhbetimden aýrylyp* (Seýdi). **2**. Duşman, rakyp, bäsdeş. *Urup naýza, gylyç kim zory birle, Söweşerdi besi agýary birle* (Abdysetdar Kazy). *Dost sözüge tut gulak, agýary pendin tutmagyl* (Mollanepes).

**AGZA** [ağza:], *at.* **1**. Bedeniň bir synasy, bölegi. *Ýar, meni ýakdyň nar bilen, Bir agzam aman galmady* (Talyby). **2**. *dil b.* Sözlemde belli bir soraga jogap bolup, özara baglanyşyp gelýän sözler (eýe, habar, aýyklaýjylar). *Sözlem agzalary.* **3**. Bir guramanyň, toparyň hatarynda durýan adam. *Guramanyň agzasy. Iş toparynyň agzasy.*

**AGZABERMEK** [ağza:vermek], *işl.* Agzap başlamak.

**AGZAÇAR** [ağzaçar], *at.* Oraza (remezan) aýynda agyz bekleýänleriň gijara agzyny açyp, iýip-içmäge başlaýan wagty. *Agzaçar boldy. Agzaçara gatnaşmak. Agzaçar etmek.*

**AGZALA** [ağza:la], *syp., at.* **1**. Özara ylalaşyksyz, biri-biri bilen oňşuksyz, agzybir däl. *Agzala bolmak. Agzala adamlar*. **2**. Agzala adam. *Agzybire taňry biýr, agzalany gaňrybiýr* (Nakyl).

**AGZALAÇYLYK** [ağza:laçylyk], *at, ser.* **Agzalalyk**.

**AGZALALYK** [ağza:lalyk], *at.* Özara ylalaşyksyzlyk, biri-biriň bilen oňşuksyzlyk, agzybir dällik. *Agzalalyk aýrar ili dirlikden, Döwlet dönüp, nobat duşmana gelgeý* (Magtymguly). *Agyzlar bir gerek, döwletli ilat, Agzalalyk agyr ile ýaraşmaz* (Kätibi).

**AGZALMAK** [ağzalmak], *işl.* Edilýän gürrüňiň arasynda biri ýa-da bir zat ýatlanyp geçilmek.

**AGZALYK** [ağza:lyk], *at.* Belli bir gurama, topara degişlilik, gurama we ş.m. agza bolmaklyk.

**AGZAM** [ağzam], *syp., k.d..* Iň uly, iň beýik. *Atasy weziri-agzam erdi* ("Zöhre – Tahyr").

**AGZAMA** [ağzama], *iş ady.* Agzamak ýagdaýy.

**AGZAMAK** [ağzamak], *işl.* Edilýän gürrüňiň arasynda birini ýa-da bir zady ýatlap geçmek, biriniň ýa-da bir zadyň adyny tutmak. *Indi men haýsy birini agzaýyn* ("Edebiýat we sungat").

**AGZAMAKLYK** [ağzamaklyk], *iş ady.* Agzamak ýagdaýy.

**AGZAMAZLYK** [ağzamazlyk], *iş ady.* Agzap durmazlyk, gürrüňiň arasynda biriniň adyny tutmazlyk.

**AGZAŞDYRMAK** [ağzaşdyrmak], *işl.* Agzap çykmak, bir zat hakynda aýdyşdyrmak.

**AGZAŞMAK** [ağzaşmak], *işl.* Bilelikde agzamak, birnäçe bolup agzamak. *Biz seni agzaşyp otyrdyk.*

**AGZATDYRMAK** [ağzatdyrmak], *işl.* **1**. Başga birine agzatmak. **2**. Agzamaga maý bermek.

**AGZATMAK** [ağzatmak], *işl.* Agzamagy başga birine aýtdyrmak; agzamaga ýol bermek.

**AGZAW** [ağzow], *at.* Bir zat hakynda agzaýyş; belli bir zat hakynda edilýän gürrüň.

**AGZAÝYŞ** [ağzaýyş], *iş ady.* Agzamak ýagdaýy.

**AGZOŇURGA** [ağzoňuğro], *at.* Boýnoňurganyň kelle bilen birigýän ýerindäki oňurga.

**AGZYBIR** [ağzyvi:r], *syp.* Biri-biri bilen ylalaşykly, oňşukly. *Agzybire – Taňry biýr, agzalany gaňrybiýr* (Nakyl).

**AGZYBIRLIK** [ağzyvi:rlik], *at.* Biri-biriň bilen ylalaşyklylyk, özara oňşuklylyk.

**AGZYBOŞ** [ağzyvoş], *syp.* Bolar-bolmaz gep-gürrüň edýän, ýalan-ýaşyryk gürrüň ýaýradýan, lakgy.

**AGZYBOŞLUK** [ağzyvoşluk], *at.* **1**. Syr saklap bilmezlik. **2**. Içinde gep ýatmazlyk, diline buýrup bilmezlik, ýaňralyk, lakgylyk. *Käýarym agzyboşluk ediläýýär.*

**AGZYGARA** [ağzyğara], *at, syp. bot.* **1**. Iýilýän ýabany süýji ot. **2**. Haýwanlaryň sypatlandyrmasynda ulanylýan söz. *Agzygara gök eşek*.

**AGZYSARY** [ağzysa:ry], *syp., ser.* **Agyz: agzy sary**. *Agzysary oglan*. **2**. Ederini bilmeýän gögele, tejribesiz.

**AH**, Gynanylanda, bir işe ökünilende, ahmyr edilende ulanylýan ümlük. – ***Ah**! Meniň hem dokmam özüme sep bolýan bolsa bolmaýamy...* (H. Derýaýew).

◊ **Ah çekmek** uludan demiňi alyp, ahmyr etmek, ökünmek.

**AH** [a:h], *at.* Nala, gam, gussa; zar-zelillik. *Yşka düşdi meň ýüregim, Ýene ah ile zarym bar* (Magtymguly). *Men ah urup aglar men, ahym çykar asmana, Bu azara goýdy sütemkär meni* (Zelili).

◊ **Ah urmak (çekmek)** nala etmek, gam-gussa çekmek, nalamak. *Magtymguly diýrler meniň adyma, Bir ah ursam, älem ýanar oduma* (Magtymguly).

**AHALTEKE: ahalteke aty (bedewi)** dünýäde owadanlygy, ýyndamlygy bilen tapawutlanýan arassa tohumly, sap ganly türkmen aty. **Ahalteke ýoly** ahally bagşy-sazandalaryň aýdym-saz ulgamynda ýerine ýetirýän usullary. *Ahalteke ýolunuň merkezi Gökdepe etraby bolup, ol, esasan, mukamlar ýoly hasaplanýar*.

**AHAW** [aho:w], Birine ýüzlenilende, köpçüligiň ünsi çekiljek bolnanda ulanylýan ümlük. *Ahaw, Annaguly, beýle bolma, azajyk salym özüňi tutup otur* (A. Durdyýew).

**AHBETIN** [a:hveti:n], *ser.* **Ahyryn 1**. *Sen meniň inim ahbetin, heýem seni aldarynmy!?*

**AH-EÝ** [ahe:ý], *üml.* Örän göwnüýetmezçilik bilen aýallar tarapyndan aýdylýar. – *Ah-eý, toýuna beýemçilik edýänem indi pylany boldumy!?*

**AHLAK** [ahla:k], *at.* Özüňi alyp baryşda il içinde oňlanýan gylyk-häsiýet, edep-ekram. *Adam ahlagy. Adamyň ahlak sypatlary.*

**AHLAKLY** [ahla:kly], *syp.* Ahlagy bolan, ahlagy päk, wyždanly.

**AHLAKLYLYK** [ahla:klylyk], *at.* Ahlagy barlyk, ahlakly bolmaklyk, gowy edep-ekramlylyk. *Ahlaklylyk adamyň bezegidir.*

**AHLAKSYZ** [ahla:ksyz], *syp.* Ahlagy bolmadyk.

**AHLAKSYZLYK** [ahla:ksyzlyk], *at.* Ahlak taýdan bozuklyk, wyždansyzlyk. *Ahlaksyzlyk aýypdyr.*

**AHMAL** [ahma:l], *syp.* **1**. Ätiýaçsyz, seresapsyz, bihabar. *Bir gün basarlar habarsyz, Gezişiň ahmala meňzär* (Zelili). **2**. Ynjalyksyz, gorkuly, hatar. *Meseläniň ýene bir ahmal tarapy bar*. **3**. "Ähtimal, mümkin" diýen manylarda ulanylýan söz. *Şu gün gar ýagaýmagy ahmal.*

**AHMALLYK** [ahma:llyk], *at.* Ätiýaçsyzlyk, seresapsyzlyk; bihabarlyk.

**AHMALLYKDA** [ahma:llykda], *hal.* Duýdansyz, birden, bihabar, aňka-taňkalykda, ätiýaçsyzlykda. *Öweziň özi hem ahmallykda duşmanyň eline düşýär* ("Görogly").

**AHMYR**, *at.* **1**. Bir zat sebäpli ýüze çykan ökünç, puşman, arman. *Ahmyr bilen dodagyny dişledi*. **2**. Bir zat sebäpli ýürekde galan öç, ar duýgusy.

**AHMYRÇYL**, *syp.* Içinde ahmyr saklaýan (*ser.* **Ahmyr 2**.).

**AHMYRÇYLLYK**, *at.* Ahmyr edijilik.

**AHMYRLY**, *syp.* **1**. Ökünçli, puşmanly. *Ol bu sözleri aýdanda kellesini ýaýkap, hyrçyny dişläp, örän ahmyrly gepledi* (N. Pomma). **2**. Öçli, kitüwli, arly, hyltly. *Olar menden ahmyrlydyrlar* (B. Kerbabaýew).

**AHMYRLYLYK**, *at.* **1**. Armanlylyk, ökünçlilik, puşman edijilik. **2**. Öçlülik, içi kitüwlilik; arlylyk.

**AHMYRLYRAK** [ahmyrlyra:k], *syp.* Birneme ahmyrly.

**AHUN** [a:hu:n], *at.* Ýokary dini bilimi bolan adam, sowady güýçli uly molla.

**AHUW** [a:hu:w], *at, kön.s.* Keýik, jeren, maral. *Ahuw men saýýatdan gaçyp, Höwesiň şerbetin içip, Kä çümüp, kä boýlap geçip, ýigrimi bäş köle düşdüm* (Kätibi). *Negäh ol ahuwlaryň gözi Mejnuna düşdi* ("Leýli – Mejnun").

◊ **Ahuw gözli** Gündogar edebiýatynda söýgüliniň gözi, köplenç, keýigiň gözüne meňzedilende ulanylan aňlatma. *Boz dumanly daglar aşyp, Ahuw gözli maral geldi* ("Şasenem – Garyp"). *Indi armanym ýok jan çyksa tenden, Ahuw gözli maralymga ýetişdim* (Şabende).

**AH-WAH**, *üml.* Ýadawlygy, argynlygy, ýarawsyzlygy aňlatmakda ulanylýar; hykgy-çokgy. – *Ine, ýene gyzzyrma başlady – diýdi we ol uzyn gijesini hüňňürdäp, ah-wah bilen geçirdi* (A. Gowşudow).

**AH-WAHLABERMEK** [ah-wahla:vermek], *işl.* Ah-wahlap başlamak.

**AH-WAHLAMAK**, *işl.* Ah-wah etmek. *Hasasyny söýget edinip, sähelçejik beýige itiň güni bilen çykan goja ah-wahlap, ýene hasasyna söýendi* (B. Kerbabaýew).

**AH-WAHLAMAKLYK**, *iş ady.* Ah-wah etmeklik.

**AH-WAHLAÝYŞ**, *iş ady.* Ah-wah etmek ýagdaýy.

**AHWAL** [ahwa:l], *at.* Hal-ýagdaý(lar), ýagdaý. *Bir gardaşsyz panyda, Niçik öter ahwalym* (Magtymguly).

**AHWALAT** [ahwa:lat], *at.* **1**. *ser.* **Ahwal. 2**. *dil b.* Sözlemdäki gymyldy-hereketiň wagtyny, ýerini, sebäbini we ş.m. görkezip gelýän aýyklaýjy agza.

**AHY-NALA** [a:hy-na:la], *at, ser.* **Ahy-zar**. *Dumly-duşdan ejiz biçäräniň ahy-nalasy ýaňlanyp eşidilýärdi* (G.Kulyýew). *Siziň ahy-nalaňyzdan dünýä garaňkyrap, gün sönmäge durdy* ("Edebiýat we sungat").

**AHYR** [a:hyr] **I**, *at.* Mala ot, iým dökmek üçin palçykdan, agaçdan edilen nowa şekilli gap. *Ýabynyň ýatagyna baryp, ahyrynyň üstünden irişmesini aldy-da, ýaba saldy* (A. Durdyýew).

**AHYR** [a:hyr] **II**, *köm.s.* **1**. Bir zadyň gutarýan ýeri, iň soňy. *Ýylyň ahyry.* **2**. *gepl.d., ser*. **Ahyry 1**.

**AHYRA** [a:hyra], *at.* Nowhana gazylanda, laý zyňmak üçin ýabyň raýyşynyň iç ýüzünden edilýän kert. *Aşakdan zyňylýan palçyk şol ahyra gelip düşýärdi* (B. Seýtäkow).

**AHYRAÇY** [a:hyraçy], *at.* Ahyrada durup, raýyşa laý zyňýan adam.

**AHYRÇA** [a:hyrça], *at.* Suw degirmeninde un dökülýän ýer. *Ahyrça undan doldy.*

**AHYRET** [a:hyret], *at.* Ahyrzaman; o dünýä. *Ahyretde hemra bolsun imanyň, Jan jesetden jyda düşen günlerim* ("Görogly"). *Magtymguly, çagyr rebbil-ybady, Bu dünýä, ahyret bergil ybady* (Magtymguly). *Bäş wagt namazyň oky her günde,"Ahyret ýoldaşyň – iman" diýdiler* (Magtymguly). *Rehim etseň, garyp-pakyr, misgine, Bu dünýä, ahyret işiň oň bolar* (Zelili). *Düsünýärsiň: güýz pasly Ahyret däl, öçmek däl* (G. Ezizow).

**AHYRKY** [a:hyrky], *syp.* Soňky, iň soňky, yzky. *Ahyrky sapagymyz sagat ikide gutarýar.*

**AHYRY** [a:hyry], **1**. *ser.* **Ahyryn 2**. *Ahyry bolar sen ýerge barabar, Köňlüňde men-menlik satyjy bolma* (Magtymguly). **2**. Berk tassyklamagy, igenç-ökünç ýokundyly äheňde gürleşmegi aňladýan söz. *Bu jaýa girip-çykýanlar, ylaýta-da biz ikimiz, gar bilen oýnar ýaly çaga däl ahyry!* (B. Kerbabaýew).

**AHYRYN** [a:hyry:n], **1**. Berk tassyklamagy, bir pikiri aýratyn nygtamagy aňladýan söz. *Ol işden çykdy ahyryn*. **2**. *gepl.d.* Iň soňunda; öňi-soňy, ahyrsoňy, ahyry. *Olar ahyryn geldiler.*

**AHYRYNDA** [a:hyrynna], *hal.* Iň soňunda, ahyrky pursatda. *Olar ahyrynda bir çukura tüýkürmeli boldular.*

**AHYRZAMAN** [a:hyrzama:n], *at.* **1**. Dünýäniň soňy, kyýamat. *Tä kyýamat ahyrzaman bolýança adyň ýitmesin* ("Görogly"). **2**. *göç.m.* Dünýäni gapyşdyrýan apy-tupan, uruş, zenzele; agyr ýagdaý, waka, iş.

**AHY-ZAR** [a:hy-za:r], *at.* Bir zada çendenaşa gaty gynanylyp çekilýän nalyş, gam-gussa duýgusy gaplap alan agy hem zaryn ses, nala, ahy-nala. *Bilbilem, ahy-zar çekip, Täze gülzardan aýryldym* (Magtymguly).

**AJADYLMAK** [a:jadylmak], *işl.* Ajan hala ýetirilmek. *Hamyr köp saklanyp ajadylypdyr.*

**AJAL**, *at.* Ölüm pursady; ölüm, kaza. *Kim galar görmeýen ajal hilesin* (Magtymguly). *Ajal töweregne guranda duzak, Ýatypdyr geplemän, ýatypdyr uzak* (K. Gurbannepesow).

◊ **Ajala el bulamak** janyň üçin howply iş etmek, janyňy howp astyna salmak. **Ajal alsyn**! *sög. s.* Ajalyň ýetsin, kazaň dolsun, ömrüň kesilsin, ölüm ýygnasyn. **Ajal dony** kepenlik mata, kepen, köpün. *Aşyk Hemra diýer, ajal donuny, Biçişeli, han Saýadym, ne diýr sen?* ("Saýatly – Hemra"). **Ajal guşy** ölüm habarçysy, ölüm sawçysy, ölüm. *Ajal guşy uçup baran, gaýdyp gelmez onda baran, Özün pälwan tutup ýören, Şiru-peleň, piller galmaz* (Seýdi). **Ajal oky** ölüm oky, ölüm sebäpkäri. **Ajalyňa howlukmak** *ser.* **Ajala el bulamak.** *Näme, ajalyňa howlugýarmyň?* (B. Kerbabaýew). **Ajaly ýetmek,** ýaşaýyş möwriti gutarmak, ölüm pillesi tutmak, ölmek möhleti ýetmek, ölmek. *Ajaly ýeten tilki hinine bakyp uwlar* (Nakyl). *Kast edip janymga ýetse ajalym, Bu ýerde hem bolsa tapar, Azadym* (Magtymguly). **Ajal ýakaňdan tutmak** ajalyň ýetmek, başyňa ölüm düşmek. *Ajal gelip tutar ýakaňdan, bilgin, Bäş günlükdir, göwün ýykanyň galar* (Baýly şahyr).

**AJALLY**, *syp.* Ajaly ýeten, ajal üstünden düşen, ölümli. *Kyrk ýyl gyran gelse, ajally öler* (Nakyl).

**AJALSYZ**, *syp.* Ajaly ýetmedik; ajaldan öň. *Oýan haby-gaflatdan ajalsyz ölen köňlüm, Umyt üzüp älemden, dergaha dolan köňlüm* (Magtymguly).

**AJAMA** [a:jama], *iş ady.* Ajamak ýagdaýy.

**AJAMAK** [a:jamak], *işl.* **1**. Asyl tagamyny ýitir-mek, ajy tagama öwrülmek, ynjamak, zaýalanmak. *Möhletinden ötse, hamyr-da ajar* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Gaharly görünmek. *Onuň ýüzi ajap dur.*

**AJAMAKLYK** [a:jamaklyk], *iş ady.* Ajamak ýagdaýy.

**AJAP**, *syp.***1**. *ser.* **Ajaýyp**. *Muhupbetden degdi bir ok, Bir ajap ýaýa uçradym* (Andalyp). *Ýada düşer, dolanmazmy ajap döwranly çaglar, Köňül arzuw eýlär, Watanym, seni* (Zelili). **2**. *göç.m.* Geň, täsin, haýran galmaly. *Jahany şury-şer tutdy, ajap döwri-zaman geldi* (Gaýyby). **3**. Gyza dakylýan at.

**AJAPLAMAK**, *işl.*, *kön.s.* Geňlemek.

**AJAPLYK**, *at, ser.* **Ajaýyplyk**.

**AJAR** [a:jar], *at, ýerli g.* **1**. Pet. **2**. Görk, görmegeýlik.

**AJARLY** [a:jarly], *syp.* **1**. *ýerli g.* Petli, peti gitmedik. **2**. Görkli, görmegeý, syrdam boýly. **3**. *gepl.d.* Edenliligini görüp, synyň oturýan, diýen sözüne gulak asylýan. *Ajarly adam.*

**AJAŞMAK** [a:jaşmak], *işl.* **1**. Ajamak derejesine ýetip ugramak. **2**. Biri-birine ajy söz aýdyp sanaşmak, biri-biriňe ajyňy pürkmek.

**AJATMAK** [a:jatmak], *işl.* Ajamak katdyna, derejesine ýetirmek. *Hamyry ajatmak.*

**AJAÝYP** [aja:ýyp], *syp.* Örän oňat, diýseň gowy, ýokary derejeli; täsin, ajap, haýran galdyryjy. *Türkmenistanyň ýazyna, güýzüne ajaýyp howasy bolýar. Sizi şu ýylyň däne oragynda gazanan ajaýyp zähmet ýeňşiňiz bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýaryn* ("Türkmenistan").

**AJAÝYP-AJAÝYP** [aja:ýyv-aja:ýyp] *syp.* Diýseň ajaýyp (köp zat hakynda). *Aşgabadyň ak mermerden gurlan ajaýyp-ajaýyp jaýlaryny görmäge göz gerek.*

**AJAÝYPLAŞMAK** [aja:ýyplaşmak], *işl.* Öňküsine garanda ajaýyp bolmak, hemme taraplaýyn ajap bolmak.

**AJAÝYPLYK** [aja:ýyplyk], *at.* Örän oňatlyk, uçursyz gowulyk; täsinlik, haýran galdyryjylyk, ajaplyk.

**AJAÝYŞ** [a:jaýyş], *iş ady.* Ajamak ýagdaýy.

**AJÖZE** [a:jö:zö], *hal.* Hiç zat iýip-içmän, aç garna, açlygyna. *Ajöze derman içmek.*

**AJRAK** [a:jyra:k], *syp.* Birneme aç.

**AJY** [a:jy] **I**, *syp.* **1**. Kekräniňki ýaly ýakymsyz ýiti täsir ediji tagamly; süýji sözüniň garşylykly manysy. *Ajy sogan. Ajy burç.* **2**. *gepl.d.* Tirýek, neşe. *Onuň ajydan habary bar diýýärler.* **3**. *göç.m.* Erbet söz, gaty-gaýrym söz. *Ajysy bolmadygyň süýjüsi bolmaz* (Nakyl).

◊ **Ajy çaý** atymy gereginden artyk düşen, köp atylyp demlenen çaý. **Ajy deriňi dökmek** der döküp, zähmet çekmek. **Ajy diliňi ýetirmek** birini duzlamak, ajyňy pürkmek, diýmesiz gepi diýmek. **Ajy habar** ölüm, aýralyk, pajygaly waka bilen bagly habar, şum habar. *Ajy habar ýyldyrym çaltlygynda ýaýraýar* (B. Kerbabaýew). **Ajyňy pürkmek (dökmek)** biriniň ýüzüni almak, söz bilen dalamak, birine ýakmaz söz aýtmak, gaharlanyp, ýoknasyz zat diýmek. **Ajy söz** kemsidiji, göwne degiji söz, gyjytly aýdylan ýakmaz söz. **Ajy ýaş** pajygaly ýagdaý, ölüm, zorluk-sütem zerarly dökülýän gözýaş. **Ajy ýylgyrmak** närazylygy, kinäni, gyjydy hem beýleki käbir içki duýgulary ýylgyryş bilen aňlatmak, bildirmek.

**AJY** [a:jy] **II**, *at.* Dokaljak halynyň ýüpüni, argajyny ýumşatmak üçin bugdaý dänesinden ajadylyp alynýan suwuklyk.

**AJY-AJY** [a:j(y)-a:jy], *syp.* Biri beýlekisinden ajy. *Süýji-süýji iýmäniň ajy-ajy gägirmesi bar* (Nakyl).

**AJYBADAM** [a:jyva:dam], *at, ösüml.d.* Badamyň ajy maňyzlysy.

**AJYBALGAZ** [a:jyvalğaz], *at.* Atanak güllüler maşgalasyna degişli boýy 20-30 sm. ýetýän, topbak ösýän, süýri ýapraklary ýaşka bişirilip iýilýän, baldagynyň ujy topbak ak gülli bir ýyllyk ýabany ot (bu osümlik Aşgabat töwereklerinde balgaz ady bilen bellidir).

**AJYBUÝAN** [a:jyvuýon], *at.* Iri baldakly, ownuk ýaprakly, çal reňk, ajy tagamly ösümlik.

**AJYDÄNE** [a:jydä:ne], *at.* Miwesiniň maňzy ajy erik.

**AJYGABYK** [a:jyğa:vyk], *at, ösüml.d.* Süýrümtikden togalak, daşy dilim-dilim, ajy paçakly gawunyň bir görnüşi.

**AJYGYŞMAK** [a:jyğyşmak], *işl.* Birneme ajygyp başlamak, iýmit, nahar iýesiň gelip ugramak.

**AJYJA** [a:jyja], *at.* Atanak güllüler maşgalasyna degişli inçeden uzyn ýaprakly, düýbünden şahalaýan ýaz oty.

**AJYKDYRMAK** [a:jykdyrmak], *işl.* Ajykmak derejesine ýetirmek. *Inim, Kakabaý, myhmanlaryňy birden ajykdyraýma!* (B. Seýtäkow).

**AJYKMA** [a:jykma], *iş ady.* Ajykmak ýagdaýy.

**AJYKMAK** [a:jykmak], *işl.* Nahar, çaý, çörek iýesiň, içesiň gelmek. *Ajygan ölmez, alňasan öler* (Nakyl). *Saçagynda ýagly petir, Kim ajyksa, elin ýetir* (K. Gurbannepesow).

**AJYKMAKLYK** [a:jykmaklyk], *iş ady.* Ajykmak ýagdaýy.

**AJYKMAZLYK** [a:jykmazlyk], *iş ady.* Ajykmak derejesine ýetmezlik, iýesiň gelmezlik.

**AJYLYK** [a:jylyk], *at.* Ajy ýagdaýynda bolmaklyk; ajy tagamlylyk derejesi, süýji dällik.

**AJYMTYK** [a:jymtyk], *syp.* Çala ajy tagamyly, ajyrak.

**AJYRAK** [a:jyra:k], *syp.* Az-kem ajy, beýlekilerden birneme ajy**.**

**AJYRGAMAK** [a:jyrğamak], *işl., kön.s., ser.* **Ajykmak.** *Ýene birnäçe menzil ýol ýöräp, ajyrgap, suwsurgap, bir daga baryp çykdylar* ("Saýatly – Hemra").

**AJY-SÜÝJI** [a:jy-süýjü], *syp.* Gowy-erbet, ýagşy-ýaman. *Ajynam-süýjinem deň paýlaşardy.*

**AJYTERE** [a:jytere], *at, ösüml.d.* Ajymtyk tagamly iýilýän ot. *Ajyteräni sowuk urmaýar.*

**AJYZ** [ajy:z], *syp., kön.s.* Ejiz, gowşak, asgyn; nalajedeýin. *Şeýle ajyz galmyş, ýalbaryp her ýan, Rehm eden bolmady, bagty garadyr* (Magtymguly). *Çekip men synama derdi-pyrakyň, Şu ajyz tenimde galdy hasratyň* ("Gül – Bilbil").

**AŽDAR**, *at.* **1**. *ser.* **Aždarha**. *Bedasyl götermez bäş gün mesligi, Kelpezä ýutdurmaz aždar maslygy* (Magtymguly). *Aždar gördüňmi, şir gördüňmi, ganyň gaçypdyr-la!* ("Görogly"). **2**. Oglana dakylýan at.

**AŽDARHA** [aždarha:] *at.* **1**. Hyýaly ertekilerde, köplenç, gahrymana garşy çykyş edýän köp kelleli, örän ullakan ýylan, aždar. *Ýeriň arkasynda, gençli daglarda, Aždarha eýelär zawuň ýagşysyn* (Magtymguly). *Aždarhadyr, marlarydyr güwlener, Aýrak, goç, ak maral munda suwlanar* (Misgingylyç). **2**. *göç.m.* Gara ýer, ýuwdarha. *Ýedi başly aždarha-adamzatdan doýan ýok* (Mätäji). *Seniň şu dünýäňe mährim gitmeýär, Gara ýeriň – aždarhanyň barynda* (Kemine).

**AK** [a:k] **I**, *syp.* **1**. Garyň, hekiň reňkine meňzeş reňkdäki, gar reňkli, *gara* sözüniň garşylykly manysy. *Ak pagta*. **2**. *göç.m.* Günäsiz, ýazyksyz, päk. *Ak adama günä sürtseň hem ýokmaz.* **3**. *göç.m.* Agaran, aga öwrülen (saç, sakgal hakynda). *Sakgalyň agy köpelipdir*.

◊ **Aga** – **ak, gara** – **gara diýmek** hakykaty aýtmak, ýüz görmezlik, göniňden gelmek. **Aga-gara düşünmek** ýagşyny-ýamany seljermek, aň-düşünjäň artmak, gözýetimiň giňemek. *Senem indi aga-gara düşünerçe bolupsyň*. **Ak altyn** pagta. *Ak altyna deňelýän pagta süýümini işlemek, täzeden işlemek we hil taýdan dünýä ölçegine laýyk önümleri öndürmek bu pudaga başartdy* ("Türkmenistan"). **Ak amur** köp ot iýýän, maňlaýy giň, agzy aşak balyk. **Ak bazar** bazaryň göterýän nyrhyndan harytlaryň satylýan we satyn alynýan ýeri. **Ak daban** zatdan gaýtmaýan, şermende, haýýar (aýal hakynda). **Ak düýäni gördüňmi? Göremok** bilemok müň belany başdan sowar etmek, bihabar bolan bolmak, bihabarsyramak. *Onda "Ak düýäni gördüňmi? Göremok", diý-de, ýoluňa düş* (B. Seýtäkow). **Ak ekin** *ser.* **Ak III**. **Ak geçiň owlagy** gowy görülýän, aýry tutulýan, ilden artyk görülýän. *Arçynyň ogly boldugy, ak geçiň owlagy boldugymy?* (A. Durdyýew). **Ak girmek (sepmek)** saç-sakgaly agaryp başlamak, saç-sakgalda ak görnüp ugramak. **Ak girse-de, aň girmedik** ulalyp oňalmadyk, akylyna gelmedik, ýaşyna görä paýhasy bolmadyk. **Ak, gök geýdirme** nika gyýlyp, süýjülik suwy paýlanansoň, nikalaşanlar aýry jaýa salnandan soň, olaryň arkasyna gezekli-gezegine kakyp, sanalýan alkyşyň, sargydyň başlangyjy; öýlenýän ýigidiň borçlarynyň beýany. *Ak, gök geýdirme, Arpa çörek iýdirme...* (Halk döredijiligi). **Ak guş bolmak** özüňi günäsiz saýmak, günäni öz başyňdan sowmak. **Ak öý** köplenç, yrsgaly aýrylýan ogluna ata-enesiniň tutup berýän täze öýi. *Atasy öýüniň duşunda Ak öý tutjak balama* (Hüwdi). *Ak öýüň eýesi, baýyň gyzlary, Eýýamyň soltany diýrler sizleri* (Kemine). **Ak iş** *zergärç.* zergäriň kümüş eretmek, ony çekiçläp süýmek, ondan ýasaljak şaýyň şekilini gaýçy bilen gyrkmak, tershalka, gulp oturtmak, ýüzüni nagyşlamak, haşamlamak ýaly ýerine ýetirýän birnäçe işleriniň atlandyrylyşy. **Ak pata almak** birinden ýoluň ak bolsun, tutan işiň oňuna bolsun diýen alkyşy almak. **Ak pata bermek** birine oňatlyk, şowlulyk arzuw etmek. *Ol kişi Bilbile ak pata berdi* ("Gül – Bilbil"). **Ak şygyr** *edeb.* setirleriniň soňky sözi kapyýalaşmaýan ak goşgy. **Ak uzyn** köplenç, ilkagşam, aý aýdyňda oýnalýan türkmen milli oýny. *Häzir ak uzyn oýnuny oýnap ýören oglan-gyzlara duş gelmek kyn* (A. Jykyýew). **Ak ýer** arpa-bugdaý ekmek üçin suwarmaga taýýarlanylan ýer. *Güýzde däne ekilmedik ýer juda bir köpem däldi. Esasan, täze açylan ak ýerlerdi, kiçeňräk hemem suw çykmasy kynrak par pellerdi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Döwlet guşy"). **Ak ýol** garşylyksyz, päsgelçiliksiz, heläkçiliksiz, betbagtçylyksyz ýol arzuw edilýän alkyş. *Ak ýol arzuw etmek.*

**AK** [a:k] **II**, *at.* Süýt, gatyk we ondan öndürilýän önümler. *Ýaz aksyz bolma, güýz – göksüz* (Nakyl).

**AK** [a:k] **III**, *at.* Arpa-bugdaý. *Ak ekinden näçe ir gögeriş alynsa, gyş sowugy düşmänkä, onuň köki, baldagy gurplanýar* ("Watan").

**AK** [a:k] **IV**, *at.* **1**. Balyk tutulýan uly tor. **2**. *göç.m.* Duzak, tor. *Düşmegeý sen jellat guran aklara* (Mollanepes).

**AK** [a:k] **V**, *at.* Gözüň garasyna düşýän ak menek, göze düşýän gül. *Onuň gözüne ak düşüpdir*.

**AKA: aka bişmek** kemsiz bişmek, kemsiz ýetişmek, öte bişmek. *Aka bişen sary gawunlaryň beýhuş ediji ysy dumly-duşda burk urýardy* (B. Kerbabaýew).

**AKABA** [aka:va], *syp., at.* **1**. *ser.* **Akar**. *Şol teşne çölleri gandyrmak üçin hem ölçegsiz akaba suw zerurdy* (B. Kerbabaýew). **2**. Suwuň akan ugry. **3**. Suwaryş ulgamlary üçin gazylýan uly, giň ýap.

**AKADEMIK** [akade:mik], *at.* **1**.Ylymlar akademiýasynyň hakyky agzasy. **2**. Degişli akademiýa saýlanan alyma we ş.m. berilýän at.

**AKADEMIKI** [akade:miki], *syp.* Ylymda, sungatda we ş.m. däbe öwrülen ýörelgeleri berjaý edýän. *Akademiki neşir. Akademiki suratkeşlik.*

**AKADEMIÝA** [akade:miýa], *at.* Esasy wezipesi ylmy ýa-da sungaty ösdürmekden ybarat bolan ýokary ylmy edaralaryň ady.

**AKAN-ÇUKAN** [aka:n-çuka:n], *syp.* Büdür-südür, oý-çukur, çukanak, düz däl, çarkandak. *Akan-çukan köçeler tertibe salyndy.*

**AKAN-ÇUKANLYK** [aka:n-çuka:nlyk], *at.* Akan-çukan ýer, büdür-südür, çukanak-çukanak ýer.

**AKAN-DÖKÄN** [aka:n-nökä:n], *syp.* Bulam-bujar, tertip-düzgünsiz, agdar-düňder, bulaşyk. *Öýüň içini akan-dökän edip, tapan depder-kitaplaryny alyp, ýeňsesini tüňňerdip, mekdebine gitdi* (A. Durdyýew).

**AKAN-DÖKÄNLIK** [aka:n-nökä:nlik], *at.* Bulam-bujarlyk, tertip-düzgünsizlik, agdar-düňderlik, bulaşyklyk. *Ussanyň dükanynda şeýle akan-dökänligiň arasynda adamlar özlerine ýer tapýardylar* (A. Gowşudow).

**AKAR**, *syp.* **1**. Kesilmän akyp ýatan, mydama akýan, akaba. *Bu ýanda dury akar suwlaram bardy* ("Görogly"). **2**. *at.* Suwly ýap. *Men akara syn edip, näçeräk duranymy-ha bilemok* (T. Gurbanow). *Akar akar-da gider, Baryp bir teşnä ýeter* (G. Ezizow).

**AKARBAŞ** [akarva:ş], *at.* Ýaranyň ady. Ýüze, el-aýaga çykýan suwly baş. *Ol belki hem, akarbaşdyr, wagty bilen bitmez* (B.Kerbabaýew).

**AKARLY**, *syp.* Jerhedi akyp duran başly (adam hakynda).

**AKBALYK** [a:kba:lyk], *at.* Kellesi togalak, ýasy teňňeli, eti gylçyksyz balyk.

**AKBAŞ** [a:kbaş], *at.* Tozgalaýan owunjak ak gülli, gowaça boýly, ýalaňy odun hökmünde peýdalanylýan ösümlik.

**AKBAŞ** [a:kba:ş], *at.* Ownuk mallaryň endamyna çykýan ýüzi tozgalap duran düwürtik, ýara.

**AKBURUK** [a:kburuk], *at.* Gülli keçeleriň ortasyna basylýan, goç şahy görnüşli aýlawly nagyş; el işlerine keşdelenip salynýan nagyş.

**AKÇÖP** [a:kçöp], *at.* Dagda, gumda bitýän ýowşana meňzeş, gurçuk basyrmak üçin ulanylýan gaty baldakly ösümlik, siňren.

**AKDAŞ** [a:kda:ş], *at.* **1**. *gurl*. Esasan, gurluşykda ulanmak üçin kerpiç ýasalýan hek daşynyň bir görnüşi. *Şagadamyň akdaşy, Jaýlar gurmaga ýagşy* (Küştdepdi). **2**. Balkan welaýatynda bir oba.

**AKDYRMA**, *iş ady.* **1**. Akdyrmak ýagdaýy. **2**. *zergärç.* Uly gyzlaryň we ýaş gelinleriň bezeg hökmünde dakynýan uzynly-gysgaly kümüş şelpejiklerinden ybarat alyn şaýy.

**AKDYRMAK**, *işl.* **1**. Suwy, nebiti, gazy we ş.m. bir ugra akyp gider ýaly etmek, sowmak. **2**. Akyp gitmegi üçin bir zady suwa atmak, akymyň ugruna alyp gitmegi üçin bir zady suwa taşlamak; bir zadyňy akyp ýatan suwa gaçyrmak. *Ol ýapdan bökende, aýagyndaky köwşüni suwa akdyranyny duýman galdy.* **3**. *göç.m.* Syrykdyrmak, dökmek. *Mamur eje gözlerinden begenç ýaşlaryny akdyryp, oglunyň boýnundan gujaklady* (G. Gurbansähedow).

**AKDYRMAKLYK**, *iş ady.* Akdyrmak ýagdaýy.

**AKDYRMAZLYK**, *iş ady.* Akmaz ýaly etmek, akyp barmaz ýaly, akyp gitmez ýaly etmek.

**AKDYRYJY**, *at.* Suwuklyk, gaz we ş.m. bir ýana akdyrylýan enjam.

**AKDYRYŞ**, *iş ady.* Akdyrmak ýagdaýy.

**AKGA**, *at, gepl.d.* Kaka.

**AK-GARA** [a:k-gara], *syp., göç.m.* Ýagşy-ýaman, gowy-erbet. *Ol agy-garany saýgarýan adam*.

◊ **Aga-gara düşünmek** ýagşyny-ýamany seljermek, aň-düşünjäň artmak, gözýetimiň giňemek.

**AKGAÝMA** [a:kgaýma], *at.* Gaýma iňňesi bilen gaýalýan ak çyzmyk şekilli nagyş.

◊ **Akgaýma tahýa** erkek adamyň gaýma bilen gaýalyp tikilýän tahýasy. *Ol örän sünnälenip bejerilen akgaýma tahýady* ("Edebiýat we sungat"). *"Bu akgaýma tahýajygy, Neneň görýäň, Taýmaz şepe?"* (K. Gurbannepesow).

**AKGAÝYR** [a:kgaýyr], *at.* Derýanyň suwunyň çekilen ýeri.

**AKGAÝŇAK** [a:kgaýňak], *at.* Pişme şekilli çyzygyň içine oýnam goçak ýa-da daş-töweregine goçak aýlanyp, haly önümlerine salynýan göl, nagyş ady.

**AKGELINÇEK**, *at.* Ak gülli, ýaşyl, gyzgylt reňkli birýyllyk ösümlik, saryçöp.

**AKGÄR** [a:kgä:r], *syp., mald., ser.* **Gär**.

**AKGOÝUN** [a:kgoýun]*:* **akgoýun etmek (bermek)** adam pygamber ýaşyna – 63 ýaşa ýetende goýun soýup, sadaka etmek.

**AK-GÖK** [a:k-gök], *at.* Süýt-gatyk ýaly ak önümleriň we hyýar-pomidor, kelem, badamjan ýaly gök önümleriň umumy ady.

**AKGÖWÜNLI** [a:kgöwünlü], *syp.* Göwnünde ýagşylyk etmek niýeti bolan, hoşniýetli, ýamanlygy ýok, göwni päk. *Ol akgöwünli adamdy.*

**AKGÖWÜNLILIK** [a:kgöwünlülük], *at.* Göwnünde ýagşylyk etmek niýeti barlyk, hoşniýetlilik, päk göwünlilik.

**AKGULAK** [a:kgulok], *at.* Gawunyň, garpyzyň ýapragyna ak tegmil görnüşinde düşýän kesel ady.

**AKGULAKLABERMEK** [a:kgulokla:vermek], *işl.* Akgulaklap ugramak.

**AKGULAKLAMA** [a:kguloklomo], *iş ady.* Akgulaklamak ýagdaýy.

**AKGULAKLAMAK** [a:kguloklomok], *işl.* Akgulak keseli bilen kesellemek. *Gawun pazyllary akgulaklapdyr.*

**AKGULAKLAMAKLYK** [a:kguloklomokluk], *iş ady.* Akgulaklamak ýagdaýy.

**AKGULAKLAÝYŞ** [a:kgulokloýyş], *iş ady.* Akgulaklamak ýagdaýy, akgulak degiş derejesi.

**AKGÜL** [a:kgül], *at.* **1**. *ösüml.d.* Ak gülli birýyllyk ösümlik. **2**. Gyza dakylýan at.

**AKGÜRBEK** [a:kgürvök], *at.* Gawunyň bir görnüşi.

**AKGYN**, *at.* **1**. Suwuň akyş ugry, akýan tarapy. *Akgyna ýüzmek ýeňil bolýar.* **2**. Işiň depgininiň ýagdaýy. *Okalyş akgyny. Işiň akgyny.*

**AKGYNLY**, *syp.* Sazlaşyp duran, sazlaşykly. *Goşgy diýseň akgynly okalýar.*

**AKGYR**, *syp.* Gaty akýan, çalt akýan.

◊ **Akgyr ýap** "dyrnak gölli" halynyň keseligine we uzynlygyna gidýän gyra nagşynyň umumy ady.

**AKGYT**, *at.* Jaýyň üstüniň eňňidi, ýapgyt. *Jaýyň akgydy gowy bolupdyr, damja dammaz.*

**AKJA** [a:kja] **I,** *syp.* **1**. Akdan göze ýakymly (gowy görülýän hem kiçijik zat hakynda). *Akja gül. Akja owlak. Akja köýnek.* **2.** Adam ady.

◊ **Akja jüýje bolmak** esassyz ýere özüňi ak, günäsiz edip görkezmek.

**AKJA** [a:kja] **II,** *at.* **1**. *ýerli g.* Pul. **2**. *kön.s.* Kümüş pul. *Geçenden otuz üç akja alurdy, geçmeýenden döge-döge kyrk akja alurdy* ("Kitaby dädem Gorkut").

**AKJARMA** [a:kjarma], *iş ady.* Akjarmak ýagdaýy.

**AKJARMAK** [a:kjarmak], *işl.* **1**. Ak öwsüp göze ilmek, ak reňki saýlanyp durmak. *Onuň guzyňky ýaly hatara deň dişleri akjaryp göründi* (B. Kerbabaýew). **2**. Ak bolmak, agarmak; solmak. *Penjek günden ýaňa akjarypdyr.*

**AKJARMAKLYK** [a:kjarmaklyk], *iş ady.* Akjarmak ýagdaýy.

**AKJARTMAK** [a:kjartmak], *işl.* **1**. Ak edip görkezmek, akdygyny görkezjek bolmak. *Ol işini akjartdy*. **2**. *göç.m.* Gaharlanyp gözüň agyny köpeltmek. *Görogly üzeňňä galyp, gözüni akjartdy* ("Görogly").

**AKJARYBERMEK** [a:kjaryvermek], *işl.* Akjaryp ugramak.

**AKJARYŞ** [a:kjaryş], *iş ady.* Akjarmak ýagdaýy.

**AKJASÜŇK** [a:kjasüňk], *at, ser.* **Aksüňk**.

**AKJYK** [a:kjyk], *syp., ser.* **Akjymak**. *Gyzyň akjyk alkymy Begenji gozgalaňa saldy* (B. Kerbabaýew).

**AKJYMAK** [a:kjymak], *syp.* **1**. Aga ýakyn, aksowult, akjyk, agrak. **2**. Solak, doly boýag, reňk almadyk, bolmaly reňkinden pes, reňki dok düşmän, ak öwüsýän. *Alan ýaşyl mataň birhili akjymak görünýär.*

**AKKORDEON** [akkardyýo:n], *at.* Ýarym äheňli sesleri çykarmak üçin enjamlaşdyrylan we sag el bilen çalmak üçin fortepýanonyňka kybapdaş klawişli saz guraly.

**AKKORDEONÇY** [akkardyýo:nçy], *at.* Akkordeon çalýan sazanda.

**AKLABERMEK** [a:kla:vermek], *işl.* Aklamaga başlamak; aklamagy dowam etdirmek.

**AKLAMA** [a:klama], *iş ady.* **1**. Aklamak ýagdaýy. **2**. Keşde, haly işlerinde ak ýüp, ýüplük, sapak bilen ýerine ýetirilýän işler.

**AKLAMAK** [a:klamak], *işl.* **1**. Ak etmek, ak reňk bilen örtmek, agartmak. **2**. Bir işiň dogrudygyny delillendirmek, deliller üsti bilen mamla etmek. **3**. Nagşyň ak sapak bilen etmeli ýerlerini gutarmak, ak nagyşlary etmek. **4**. Pagtanyň diňe açylanyny ýygmak. *Her gün açylanyny her günde akla, Ýyg, isrip bolmasyn çigit ýalysy* (G. Seýitliýew). **5**. *hukuk.* Jenaýatkäriň bigünädigini delillendirip subut etmek.

**AKLAMAKLYK** [a:klamaklyk], *iş ady.* Aklamak ýagdaýy.

**AKLANMAK** [a:klanmak], *işl.* **1**. Ak reňk bilen örtülmek, ak edilmek. *Tamyň daşy aklanyp gutardy.* **2**. Deliller arkaly biriniň günäsizligi subut edilmek. **3**. *hukuk.* Işi kazyýetde seredileniň günäsizdigi tassyk bolmak.

**AKLAŇ** [a:klaň], *at.* Selinden başga ot-çöp gögermeýän uly çäge depesi, ak alaň.

**AKLAŇLYK** [a:klaňlyk], *at.* Ak alaňlaryň köp ýeri.

**AKLAR** [a:klar], *at, köpl., küşt.* Ak mallar. *Aklaryň perzisi oňat ýerde otyr.*

**AKLAŞDYRMAK** [a:klaşdyrmak], *işl.* **1.** Bir ýanyndan aklap çykmak, ak reňke öwrüşdirmek. *Kümelere çenli aklaşdyryp çykdy.* **2**. *göç.m.* Bir ýan ujundan aklap çykmak, günäsizdigini subut edişdirmek, ýazyksyz hasaplaşdyrmak. *Aklawçy olary aklaşdyrdy.* **3**. *göç.m.* Ak sapak bilen edilmeli nagyşlary edişdirmek. *Ol tahýany aklaşdyryp otyrdy.*

**AKLAŞMAK** [a:klaşmak], *işl.* Aklamaga kömekleşmek; birnäçe bolup bile aklamak. *Men oňa kürte aklaşdym. Iki keş pagtam galdy, şony aklaşaý!*

**AKLATMAK** [a:klatmak], *işl.* **1**. Aklamak işini başga birine etdirmek. *Ony ökde aklawça aklatdylar.* **2**. Aklamaga sebäp bolmak. **3**. Aklamaga mümkinçilik bermek.

**AKLAWÇY** [a:klowçy], *at, hukuk.* Kazyýet işinde günä bildirilýäni aklaýan hukukçy; günä bildirilýäni kanun boýunça goraýjy, adwokat.

**AKLAWÇYLYK** [a:klowçuluk], *at, hukuk.* Aklawçynyň kesp-käri, adwokatlyk.

**AKLAÝYŞ** [a:klaýyş], *iş ady.* Aklamak ýagdaýy.

**AKLY-GARALY** [a:kly-ğaraly], *syp.* Ak hem gara gatyşykly, ak-gara reňkli, ak-gara gatyşyk. *Ýazyň ilki başynda olaryň öýleriniň töwereklerinde akly-garaly guzujyklar göründi* (B. Kerbabaýew).

**AKLY-GYZYLLY** [a:kly-ğyzylly], *syp.* Ak we gyzyl gatyşykly, ak-gyzyl reňkli, ak-gyzyl gatyşyk. *Kejebäniň töwereginde akly-gyzylly atgulaklar galgaýardy* (B. Gulow).

**AKLYK** [a:klyk] **I**, **1**. *at.* Ak reňkli bolmaklyk. *Jaýlaryň aklygy gözüňi gamaşdyrýar.* **2**. Päklik, arassalyk; günäsizlik. **3**. *göç.m.* Oňatlyk, gowulyk, ýagşylyk. *Menden aklyk tamasyny etme*.

◊ **Aklyk haty** nähak tutulan adamyň aklanandygy hakynda habardar ediş haty. *Aklyk hatym gelse gerek* (Kerim Garaja).

**AKLYK** [a:klyk] **II**, *at.* Eden hyzmaty üçin molla, tebibe berilýän hak.

◊ **Aklygyňy almak** sag bolsuna, minnetdarlyga derek käýinç, igenç, teýeneli söz eşitmek, ýagşylygyňa ýamanlyk edilmek; almytyňy almak, ýüzüňi aldyrmak. *Kyrk ýyl çopançylyk edip, sizden alan aklygym şu boldumy?* (A. Gowşudow). **El aklygy** çeken zähmeti üçin (tebibiň, lukmanyň, mollanyň we başg.) eline berilýän aklyk, hak, sowgat.

**AKMA**, *iş ady.* Akmak ýagdaýy.

**AKMAK I**, *işl.* **1**. Bir ýana akyp barmak, guýulmak; syrykmak, dammak. *Suw akar – daş galar* (Nakyl). *Sil bolar, agdarlyp akar bulaklar, Çille dolup, garlar gyşdan aýrylsa* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Öte bişmek. *Gawunlar bişmeg-ä däl, akypdyram.*

**AKMAK II**, *syp.* Akyly gysga, özüni alyp barşy paýhassyz, akylsyz, samsyk, ýeňilkelle, kemakyl. *Akmak özün akyl diýr, Tentek özün sag saýar* (Magtymguly).

**AKMAKÇYLYK**, *at, ser.* **Akmaklyk 2**. *Edip ýören bu akmakçylyk işlerine we özüniň yrymçy aýalynyň howsala düşüşine Goçmyrat diňe güldi* (A. Gowşudow).

**AKMAKLAÇ**, *syp.* Akyly gysgarak, akmagrak, ýeňilkelleräk, samsyklaç. *Ol özüni ýeser hasap etse-de akmaklaçdy* (B. Kerbabaýew).

**AKMAKLYK I**, *iş ady.* Akmak ýagdaýy.

**AKMAKLYK II**, *at.* Akyly gysgalyk, samsyklyk, akylsyzlyk, ýeňilkellelik. *Ýaman işdir öz nebsiňi besleseň, Akmaklykdyr özüň ýagşy toslasaň* (Magtymguly).

**AKMANAT** [a:kmanat], *at, zergärç.s.* Zenan eginbaşlarynyň ýakasynyň, jübüleriniň töweregine, etegine, ýeňiniň agzyna dakylýan, saçbagylaryna düzülýän gulply kümüş gyran. Onuň akmanat ady ýerliginiň ak kümüşdendigi bilen baglanyşyklydyr.

**AKMAŇYZ** [a:kmaňyz] **I**, *syp.* Doly kemala gelmedik, şaty görmedik, tejribesiz, ýaş, gögele. *Ol entek akmaňyz oglandy.*

**AKMAŇYZ** [a:kmaňyz] **II**, *at.* Gawunyň bir görnüşi.

**AKMAÝA** [a:kma:ýa], *at.* **1**. Bugra bilen arwanadan bolan düýe. *Akmaýa aldyrsa elden köşegin, Bagryn bozup bozlamaýyn bolarmy?*(Magtymguly). *Aýjemalym akmaýanyň üstünde, Bir keniz başyny çekdi-de gitdi* (Kemine). **2**. Gyza dakylýan at.

◊ **Akmaýanyň ýoly (süýdi)** gijesine asmanda görünýän, örän köp öçügsi ýyldyzlardan ybarat, uzap gidýän ýagty zolak. *Asmandaky ýyldyzlar akmaýanyň ýoluny ýadyňa salýardy.*

**AKMAZLYK**, *iş ady.* Akyp durmazlyk, akyp gitmezlik, akyp gelmezlik.

**AKNABAT** [a:knava:t], *at.* **1**. Süýri, torsuz, daş ýüzi dilim-dilim görnüşli, ýuka paçakly gawun. **2**. Gyza dakylýan at.

**AKNÄZIK** [a:knä:zik], *at.* **1**. Süýri, dykyz, ýylmanak ak paçakly gawunyň bir görnüşi. **2**. Gyza dakylýan at.

**AKPAMYK** [a:kpa:myk], *at, ösüml.d.* **1**. Ýumşak baldakly, gol ýaýradyp ösýän haşal ot. **2**. Gyza dakylýan at.

**AKRAP** [akyra:p], *at.* **1**. *asman j.* Içýan ýyldyzlar toparyndan bolan ýyldyz. *Şems diýerler, Kamar diýerler, Akrap diýerler, Mizan diýerler, Kowus diýerler, Aftap burçundan dogarlar* (Mollanepes). **2**. Güne esaslanyp ýöredilýän şemsi ýyl hasabynyň 8-nji aýynyň ady, milady senesiniň 22-nji oktýabryndan 21-nji noýabr aralygyna laýyk gelýän aýyň ady; güýzüň ahyry. *Akrapda urmadygymy, ahyretde-de urmaryn* (Nakyl). *Ýüpden boşan däli ýaly, Akrap girdi külbejigme. Akrap ogşan ýaňaklary, Çygly gül dek buldurap dur* (K. Gurbannepesow). *Akrabyň öň ýany, güýzüň günüdi, Howaň çigregi bar, ýagypdy ýagşam* (M. Seýidow). **3**. Düýäniň owsaryna dakylýan dört dişlije demir.

**AKSAKGAL** [a:ksakgal], **1**. *syp.* Sakgalyna ak giren, sakgaly agaran (adam hakynda). *Çagalyk yzyň galan ýerlerinde aksakgal çagyňda myhman bolmak juda täsin* (B. Hudaýnazarow). **2**. *at.* Bir obanyň, tire-taýpanyň we ş.m. ýaşulusy, kethudasy, geňeşdary, baştutany. *Beg, töre, aksakgal ýurduň eýesi, Küren tutar gözel ili türkmeniň* (Magtymguly).

**AKSAKGALLYK** [a:ksakgallyk], *at.* Aksakgal bolmak ýagdaýy, kethudalyk, ýaşululyk, baştutanlyk.

**AKSAPLY** [a:ksaply], *at.* Ýanpyçakdan ulurak edilip, demir ussalar tarapyndan tygy ýokary hilli polatdan ýasalýan sowuk ýarag.

**AKSOWULT** [a:ksowult], *syp.* Agymtyl reňkde bolan, agrak. *...Aksowult bulutlar ýokary galyp, onuň açylan ebşit ýaly bolup duran aşak eteginde çogsuz ýaz güni tukat äleme seretdi* (A. Gowşudow).

**AKSUW** [a:ksuw], *at.* **1**. Halylara, eňsä salynýan içi dürlüli gyra nagşy. **2**. Ahal welaýatynda bir oba. **3**. Gözbaşyny Köpetdagdan alýan bir çaý.

**AKSÜŇK** [a:ksüňk], *at.* **1**. Oglanlaryň agşamlaryna iki tarap bolup, ownuk malyň injik süňküni zyňyp oýnaýan oýny. **2**. Aksüňk oýnalýan süňk.

**AKSÜÝEK** [a:ksüýök], *at, ser.* **Aksüňk**.

**AKSÜÝT** [a:ksüýt], *at, ösüml.d.* Sapagynyň düýbi çala torly, reňki gögräk ir bişýän etlek gawunyň bir görnüşi.

**AKŞEKEREK** [a:kşekerek], *at.* **1**. Salkymdaky üzümleri ownugrak, gijräk bişýän ak üzümiň bir görnüşi. **2**. Şol üzümiň örän süýji miwesi. *Gelinbarmak, akşekerek, Halylymy, haýsy gerek* (K. Taňrygulyýew).

**AKTIKEN** [a:ktiken], *at, ösüml.d.* Dag etegindäki düzlüklerde, şor ýerlerde bitýän, boýy 1-2 metre ýetýän, düýedabanlar maşgalasyndan bolan gyrymsy agaç.

**AKTÝOR** [aktyýo:r], *at*. Teatrlarda goýulýan oýunlarda rollary ýerine ýetiriji.

**AKUSTIKA** [aku:stika], *at. fiz*. Fizikanyň sesi öwrenýän bölümi.

**AKUSTIKI** [akustiki], *syp*. Akustika degişli bolan, akustika mahsus.

**AKY** [a:ky], *at, ýerli g.* **1**. Uýalaryň ulusynyň kiçisine ýüzlenip aýdýan sözi. **2**. Oglana hem gyza dakylýan at.

**AKYBERMEK** [akyvermek], *işl.* Akyp başlamak, akyp ugramak.

**AKYBET** [a:kyvet], *at*, *k. d.* Ahyr, soň, yz, netije. *Akybet hijran otyga barçanyň bagry kebap* (Şeýdaýy).

**AKYDA** [aky:da], *at, k. d.* **1**. Ynanç, pikir. *Akydaňy aryg tut* (Şeýdaýy). **2**. Dini düşünjäniň esaslary.

**AKYDYŞDYRMAK**, *işl.* **1**. Bir ýanyndan akydyp çykmak. **2**. Bolşuna görä akytmak.

**AKYDYŞMAK**, *işl.* **1**. Akytmaga kömek etmek. **2**. Birnäçe bolup suw akytmak. *Ýaş ýigitler nahar berilmeginiň öň ýanynda myhmanlaryň eline suw akydyşyp durdular*.

**AKYL**, *at.* **1**. Adamyň aň ýetiriş we pikirleniş başarnygy, ukyby, paýhas, pähim. *Adam beýleki mahluklardan akylynyň barlygy bilen tapawutlanýar.*

◊ **Akyla getirmek** gözüniň oduny almak, jeza berip, tertibe getirmek. **Akyla sygmazlyk** pikiriňe geler ýaly zat däl, sülä gelmeýän. **Akyl bermek (öwretmek)** öwüt-nesihat bermek, düzgün-tertip öwretmek, nesihat etmek. **Akyl etmek** dogry etmek, etmelisini bilmek, oňarmak. **Akyly çaşmak** akyly-huşy dargamak, paýhaslanyp bilmezlik. *Magtymguly, akly çaşan, Gözläp gidermi gardaşyn* (Magtymguly). **Akyly çatmak** *ser.* **Akyly ýetmek**. **Akyly durlanmak** paýhaslanmak, pähimlenmek. *Birden Aşyrmädiň akyly durlanyp giden ýaly boldy* (B. Seýtäkow). **Akyly gelip-gitmeliräk** akyly kem, samsyk. **Akyly goýalyşmak** akyl taýdan kemala gelip ugramak, goýazylanmak, paýhaslanmak. *Aý, ejesi, entek howlukmaly-da, ýigrimi bäş-otuz ýaşa barsyn, belki, oňa çenli özüni tijäp, akyly goýalyşar* (A. Durdyýew). **Akyly gözünde** etmeli-etmesiz zady, işi bilip duran; birinden çekinýän, gorkýan. *Onuň akyly gözündedir, gyzgyn çäýnegi ellemez.* **Akylyna aýlandyrmak 1)** maslahat, nesihat bermek, düşündirmek, dogry ýola salmak. **2)** temmi bermek, çäre görmek. **Akylyna gelmek** akyllanmak, akylly-paýhasly bolmak, etjek-goýjagyňy bilmek. **Akylyndan aýrylmak** *ser.* **Akylyndan azaşmak**. *Dostlarym, bendäni ýaradan alla, Akyldan aýyryp, jyda etmesin* (Magtymguly). **Akylyndan azaşmak** däli-telbe bolmak, däliremek, üýtgemek. **Akylyny aldyrmak** *ser.* **Akylyny ýitirmek**. *Bu hemişeki Pökgen aga-ha däl, akylyny aldyran ýaly-la!* (A. Gowşudow). **Akylyny ýitirmek** sähne bolmak, paýhasy gitmek, pähimsizlenmek, akylyny aldyrmak. *Beýik pikre galdym, aklym ýitirdim, Tirik erken, öli bolup galyp men* (Magtymguly). **Akylyň kesmek** paýhas etmek, akyl ýetirmek, mana düşünmek. *Kösse aklyň bu jahanyň ýörişin, Ygtybar etmegil dünýä duruşyn* (Magtymguly). **Akylyň öýi (öýjügi)** örän akylly, düşbi. *Seň özüň akylyň öýjügisiň-le!* (B.Kerbabaýew). **Akyly ýerinde** akyly bar, bir zadyň öňüni-soňuny seljerýän, oýlanyşykly hereket edýän, samsyk däl. *Akyly ýerinde bolan adam beýle iş eder öýdemok.* **Akyly ýetmek** bir zadyň öňüni-soňuny ölçerip, netije çykarmagy başarmak, göz ýetirip bilmek, düşünmek. **Akyl ýetirmek** doly düşünmek, paýhaslanmak.

**AKYL** [a:kyl], *syp., k. d.* Akylly. *Akylyň sözüne köňül söýüner, Akmagyň işine zehin käýiner* (Magtymguly). *Akyl özün akmak biler, Akmak özün akyl tutar* (Kätibi).

**AKYLDAR** [akylla:r], *syp.* Parasatly, bilimli, sowatly, aryf. *Akyldar şahyr Magtymguly.*

**AKYLDAŞ** [akyllaş], *syp.* Akyl taýdan deň, deň pähimli. *Iki sany adamyň akyldaş bolup, ömürboýy ýaşamagyny, döwrümize laýyk durmuş gurap, nesil öndürmegini şol mesele çözýär* (A. Gowşudow).

**AKYL-HUŞ** [akyl-hu:ş], *at.* Paýhas, pähim, ýat. *Akyl-huşuň terk edip sen, Sözle, balam, bala meňzäp!* (Andalyp). *Akyl-huşum sen aldyň, eý, aýa meňzeş gelin* (Kemine).

**AKYLLANDYRMAK** [akyllannyrmak], *işl.* Akylyna getirmek. *Ony akyllandyrmak gerek.*

**AKYLLANMAK**, *işl.* Akylly bolmak, akyl-paýhasyň goýalmak, akylyňa gelmek.

**AKYLLANMAKLYK**, *iş ady.* Akyllanmak ýagdaýy.

**AKYLLANMAZLYK**, *iş ady.* Akylyna aýlanmazlyk, akyl gelmezlik.

**AKYLLANYBERMEK** [akyllanyvermek], *işl.* Akyllanyp ugramak.

**AKYLLAŞMAK**, *işl., gepl.d.* Geňeşmek, maslahatlaşmak, özara ölçäp-biçmek.

**AKYLLY**, *syp.* **1**. Pähimli, paýhasly, aňly-düşünjeli. *Obamyzda akylly, hemme zadyň ýagdaýyny bilýär diýilýän adamyň ýanyna bardym* (N. Saryhanow). *Hem – okumyşsyň, Hem akyllysyň – Ýöne weli dälsiň Ilden akylly* (K. Gurbannepesow). 2. gepl.d. Uly erkek adam

gyz maşgala, ýaş oglana, çaga ýüzlenip bir zat aýtjak bolanda aýdylýan sypaýyçylykly söz.

**AKYLLY-BAŞLY** [akylly-vaşly], *syp.* Akylly hereket edýän, akyla gulluk edýän, aňly-düşünjeli, pikirlenip hereket edýän, paýhasly.

**AKYLLYLYK**, *at.* Pähimlilik, paýhaslylyk, aňly-düşünjelilik.

**AKYLLYRAK** [akyllyra:k], *syp.* Akyly köpräk, aňly-düşünjeliräk, beýlekilere, öňküsine görä akylly. *Indi beri akyllyrak boljak bol!*

**AKYLSYZ**, *syp.* Akyly ýok, akmak, samsyk, kemakyl. *Akylsyz näkes bolmasyn, Sadadan bolsun türkana* (Magtymguly).

**AKYLSYZLYK**, *at.* Akyly ýokluk, samsyklyk, akmaklyk, nadanlyk. *Beýle akylsyzlyk etmeli däl ekeniň.*

**AKYLSYZRAK** [akylsyzyra:k], *syp.* Alasamsygrak, akyly azrak.

**AKYM**, *at.* **1**. Suwuň, howanyň we ş.m. akýan ugry, gidýän tarapy. *Suwuň güýçli akymy söwüdiň köklerini ýalaňaçlady* (B. Seýtäkow). **2**. *göç.m.* Syýasatda, edebiýatda we ş.m. belli bir pikire, akyla gulluk edýän ugur, ýörelge.

**AKYR-UKUR**, *at.* Köne-sana goş-golam, döwük-ýenjik zatlar. *Çöp kümäniň içi akyr-ukurdan doludy.*

**AKYŞ**, *iş ady.* Akyp biliş derejesi, ýagdaýy. *Suwuň akyşy haýal.*

**AKYŞMAK**, *işl.* Akyp ýatmak (her ýerden akýan suwlar hakynda). *Her ýanda akyşyp, aýdym aýtdy suw* (R. Seýidow).

**AKYTDYRMAK**, *işl.* Akytmak işini başga birine etdirmek. *Myhmanlaryň eline suw akytdyryp çykdy*.

**AKYTMA**, *iş ady.* Akytmak ýagdaýy.

**AKYTMAK**, *işl.* Biriniň elini, ýüzüni ýuwdurmak üçin kündükden we ş.m. gapdan suw guýmak.

**AKYTMAKLYK**, *iş ady.* Akytmak ýagdaýy.

**AKYZMAK**, *işl., kön.s.* Akdyrmak, dökmek. *Akyzdylar ganyny, çykardylar janyny, bilmediler halyny, turdular haýran galyp* (Hoja Ahmet Ýasawy). *Müjgäniň hanjary akyzdy ganym* (Kemine).

**AKÝAL** [a:kýa:l], *syp.* **1**. Esasan, ýaly, guýrugy ak, çypar reňkli (at hakynda). *Onuň baýtaly akýal, gözleri çakan, guýrugy bolsa, şowady* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Saç-sakgaly agaran adam, garran adam. **3**. *göç.m.* Päli-niýeti erbet, köpbilmiş aýala aýdylýan paýyş söz.

**AKÝÜP** [a:kýüp], *at.* Elde kakylyp nagyşlanan we tärimiň daşyndan berklik we owadanlyk üçin aýlanýan ýörite ýüp.

**AKÝÜWRÜK** [a:kýüwrük], *at.* Suwa gaýnadylan tüwiniň üstüne gatyk guýlup taýynlanýan ýeňil nahar.

**AL** [a:l] **I**, *syp.* Açyk gyzyl, gyzylyň bir öwüşgini. *Ýaňagyň reňki al, uçmah gülüdir* (Nesimi). *Gyzyl diýsem gyzyl, al diýsem al sen* (Magtymguly). *Söwdügim, gül özün para eýlemiş, Reşk ediban ýaňaklaryň alyna* (Seýdi). *Otlar örer, dyza ýeter, mal doýar, Gelinleri ýaşyl geýer, al geýer* (K. Gurbannepesow).

◊ **Al petinden almak** biriniň ýüzüni almak, dalamak.

**AL** [a:l] **II**, *at, kön.s.* Arwah, eýe, jyn. *Jynmu sen, ýa almu sen, Janyma ajalmu sen* (Zelili).

◊ **Al kakmak (çalmak)** arwah, jyn täsir etmek, saňsar, telbe ýaly bolmak.

**AL** [a:l] **III**, *at, lukmanç.* **1**. Iýmit çalşygynyň bozulmagy netijesinde adamyň bedeninde emele gelýän deri keseli, pis. **2**. Belli bir kesel sebäpli, bedenden ganyň köp gitmegi bilen aýal maşgalany huşuny ýitirmek derejesine ýetirýän dert. *Al bolmak.*

◊ **Al açmak** al keseli bilen kesellemek. **Al ýanamak** ganyň köp gitmek

**AL** [a:l] **IV**, *at.* Hile, mekirlik, aldaw, sap, sapalak. *Çoh saýýatlar aldanarlar alyna, Köňlüm talwas eýlär goşa halyna* ("Saýatly – Hemra"). *Bu dünýäniň köp ekendir allary, Başa saldyk niçe külpet hallary* (Seýdi). *Syndyryp bilmedi duşman erkiňi, Gabaw bilen, hile bilen. al bilen* (A. Kowusow).

◊ **Al salmak** aldamak, aldaw toruny gurmak, çoçgara çolaşdyrmak.

**ALA** [ala:], *syp.* Ýaramaz, bet häsiýeti çak edilişinden hem ýokary, pislikde hiç kim öňüne geçmeýän, barypýatan pis (köplenç, aýallar hakynda we aýallaryň arasynda ulanylýan söz). *Gyzyň enesiniň aladygyny öňem çalarak bilýärdik weli, edil beýledir öýtmändik.*

**ALA** [a:la] **I**, *syp.* **1**. Iki hem şondan köp garyşyk reňkli. *Ala köýnek*. **2**. Bir sydyrgyn bolmadyk, birmeňzeş däl, gyradeň däl. *Üsti ala garly daglar*.

◊ **Ala daňdan** daň atyp başlan wagty, gara daňdan. **Ala düşmek 1)** reňki, boýagy gyradeň almazlyk. *Matanyň reňki ala düşüpdir.* **2)** bir sydyrgyn, tekiz ýerleşmezlik. *Tohum ala düşüpdir.* **Ala garaňky** *ser.* **Alağaraňky.** *Ala garaňkyda obanyň bir çetinden girdim.* **Ala sakgal** ala sakgally adam. *Ala sakgal sowala jogap gaýtarman, dilegini dowam etdi* (B. Kerbabaýew). **Ala tutmak** her bir ýagdaýda birini beýleki adamdan ileri tutmak, deň tutmazlyk. *Onuň işgärlerini ala tutanyny gören ýok.* **Ala uruş** biri-biri bilen gyr-tutuş, gyk-bak. **Ala ýabylyň oýnuny başyna salmak** batyrgaý hereket edip, garşydaşlaryna göz görkezmek.

**ALA** [a:la] **II**, *at.* Çäge gatyşykly takyr.

**ALABAG** [a:lava:ğ], *at.* Ak, gara ýüňden egrilip, bükdürilip ýa-da örülip edilen ýüp. *Sallançagyň alabagyny ýaşy gaýdyşan aýal çekip otyrdy.*

**ALABAHAR** [a:lavahar], *at.* Baharyň ilki başy, gyşdan ýaza geçilýän döwür, ýaz paslynyň başlanýan wagty. *Ýakymly howasy alabaharyň ysyny getirýärdi*.

**ALABASGY** [a:lavasğy], *syp.* Bir zadyň täsiri bilen döreýän başagaýlyk, aljyraňňylyk, basa-baslyk.

**ALABEDER** [a:laveder], *syp.* Dürli-dümen reňkli, dürli reňklerden ybarat, ala. *Alabeder mata.*

**ALA-BÖLE** [a:la-vö:lö], *hal.* Aýratyn-da, diňe. *Şu ýerde bir waka ala-böle ýadymda galypdyr* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Ala-bölesinden saklasyn!** "kynçylyk diňe biriniň başyna düşmesin, oňa ýeke-täk biri uçramasyn" diýen manyda ulanylýan dileg sözi. *Il bilen gelen toý-da baýram. Allajan ala-bölesinden saklasyn!*

**ALAÇ** [ala:ç], *at.* **1**. Bir zady, işi amala aşyrmakda, ýerine ýetirmekde çykalga, çäre. *Agsagyň elinden alsaň agajyn, Ýaman derde düşer, tapmaz alajyn* (Magtymguly). **2**. Ýagdaý, mümkinçilik. *Bize onuň aýdylanlary bilen razylaşmakdan başga alaç galmady* (T. Gurbanow).

**ALAÇA** [a:laça], *at.* **1**. Tarada dokalan gyrasaryly nah mata. *Gyzyl alaça. Ýaşyl alaça. Ol alaça dokap otyrdy.* **2**. Alaça matasyndan tikilen aýal köýnegi. *Ol egnine alaça geýse-de gelşerdi.*

**ALAÇALY** [a:laçaly] **I**, *syp.* **1**. Alaça matasy bolan. **2**. Egninde alaça köýnegi bolan, alaça geýen. *Egni alaçaly aýallar.*

**ALAÇALY** [a:laçaly] **II alaçaly ýag** toşap bilen guýruk ýagy garyşdyrylan ýag. **Alaçaly ýag ýaly garyşmak** tiz öwrenişip gitmek, köpçülige, maşgala goşulyp gitmek. *Ol daýhanlar bilen edil alaçaly ýag ýaly garyşar ötägider.*

**ALAÇSYZ** [ala:şsyz], *syp.* Çäresiz, çykalgasyz, bialaç.

◊ **Alaçsyz ýolda galmak** çykalgasyz galmak, näme etjegiňi bilmezlik.

**ALAÇSYZLYK** [ala:şsyzlyk], *at.* Çäresizlik, çykalgasyzlyk, bialaçlyk. *Ol alaçsyzlygyndan käýinýärdi.*

**ALADA**, *at.* **1**. Bir zat hakynda edilýän oý, pikir, ünji, iňkis, gam. *"Malyň görki agzynda" diýlişi ýaly, ot-iými näçe köp taýýarlasaň, şonça-da aladaň az bolar* ("Türkmenistan"). **2**. Bir zadyň ugrunda edilýän iş, tagalla. *Bereketli ýere umytly garan kärendeçi şeýdibem öz aladasynyň ýerine düşendigine ilkinji bolup guwandy* ("Türkmenistan").

**ALADAÇY**, *syp.* Ünji edegen, gam çekiji, alada edýän. *Ol aladaçy adamdyr.*

**ALADAÇYL**, *syp., ser.* **Aladaçy**. *Käbir adamlar diýseň aladaçyl bolýarlar.*

**ALADAÇYLRAK** [aladaçylyra:k], *syp.* Azda-kände aladaçyl.

**ALADAÇYRAK** [aladaçyra:k], *syp.* Az-kem aladaçy.

**ALADA-DERDESER**, *at, ser.* **Alada 1**.

**ALADALANDYRMAK** [aladalannyrmak], *işl.* Haýsydyr bir zat ýa-da biri hakynda alada etmäge mejbur etmek, alada goýmak.

**ALADALANMA**, *iş ady.* Aladalanmak ýagdaýy.

**ALADALANMAK**, *işl.* Alada etmek, alada galmak, iňkislenmek, ünji edinmek. *Onuň ömründe beýle aladalanan ýeri ýokdy.*

**ALADALANMAKLYK**, *iş ady.* Aladalanmak ýagdaýy.

**ALADALANMAZLYK**, *iş ady.* Alada etmezlik; aladasyny etmezlik.

**ALADALANYBERMEK** [aladalanyvermek], *işl.* Aladalanyp başlamak; bir işiň aladasy bilen bolubermek.

**ALADALANYŞ**, *iş ady.* Aladalanmak ýagdaýy.

**ALADALY**, *syp.* Aladasy köp, iňkisli, ünjüli, bir zadyň gamy, oýy, pikiri bilen gümra. *Ol mydama aladaly.*

**ALADALYLYK**, *at.* Iňkislilik, ünjülilik, oý-pikirlilik, alada bilen gurşalan ýagdaýda bolmaklyk, aladasy barlyk, aladasyz dällik.

**ALADALYRAK** [aladalyra:k], *syp.* Azda-kände aladasy bolan, birneme aladaly.

**ALADAŇDAN** [a:ladaňda:n], *hal.* Gara daňdan, çala daň atyp başlan wagty, daň agaryp ugran mahaly. *Çagalyk ýyllarym bir ýola görlen, Aladaňdandaky düýşe meňzeşdir* (A. Agabaýew).

**ALADASYZ**, *syp.* Hiç zadyň aladasyny etmeýän, gaýgysyz-gamsyz, ünjüsiz, iňkisi bolmadyk, aladasy ýok. *Aladasyz çagalyk.*

**ALADASYZLYK**, *at.* Aladasy ýokluk, aladaly dällik, gaýgysyz-gamsyzlyk, gaýgysyzlyk, ünjüsizlik, iňkissizlik. *Aladasyzlyk bir gowy zat.*

**ALADASYZRAK** [aladasyzyra:k], *syp.* Aladasy azrak, aladasy ýograk.

**ALAGARAŇKY** [a:lağaraňky], *syp., at.* Daň atmazynyň öň ýanlary, töweregiň çala agaryp ugran wagty; iňrik garalýan uçurlaryndaky wagt, ne ýagty, ne garaňky. *Daňdanyň alagaraňkysynda ukudan oýandyk. Otagyň içi alagaraňkydy.*

**ALAGARAŇKYLYK** [a:lağaraňkylyk], *at.* Ne ýagty, ne garaňky wagt, alagaraňky wagt. *Agşamyň alagaraňkylygynda onuň keşbi saýgartmaýardy.*

**ALAGARAŇKYRAK** [a:lağaraňkyra:k], *syp., hal.* Alagaraňka ýakynrak.

**ALAGALMAGAL** [a:lağalmağal], *at.* Dürli seslerden ybarat bolan galmagal, gopgun, goh, gykylyk. *Motor dünýäni alagalmagal edip, bir salymyň içinde merkezden saýlandy* (T. Gurbanow).

**ALAGAÝYŞ** [a:lağaýyş], *at.* Uzyn zolak gaýşyň ýüzüne altyn-kümüş, şaý-sep düzülip berkidilen at esbaby. *Ýaraşar altyn şaý, alagaýyşy, Bedew bardyr, haýp, juluna degmez* (Misgingylyç). **2**. Keçä we beýleki käbir el işlerine, atyň göwüsbendiniň ýüzündäki kümüş nagyşlara meňzedilip salynýan nagyş.

**ALAGOPGUN** [a:lağopgun], *at, ser.* **Alagalmagal**.

**ALAGOWUR** [a:lağowur], *at.* Şagalaňly edilýän gürrüňden çykýan şowhun, galmagal, zenzele.

**ALAGOWURDAK** [a:lağowurdok], *at.* **1**. Ýagsyzrak gowurma. **2**. Ak we gara ýüplerden, sapaklardan gezekleşdirilip basmada salynýan nagyş.

**ALAGOWURDY** [a:lağowurdy], *at, ser.* **Alagowur**.

**ALAGÜPÜRDI** [a:lağüpürdü], *at.* **1**. Tertipli-tertipsiz ýagdaýda köp sanly aýakdan çykýan ses, başly-barat güpürdi. **2**. *göç.m.* Gowga, dawa, galmagal, jenjel.

**ALAGYKYLYK** [a:lağy:kylyk], *at,* ser. **Alagalmagal**. *Bir topar oglan alagykylyk bolup, top oýnaýardy.*

**ALAHASYRDY** [a:lahasyrdy], *at.* Howsalaly güpürdi, başly-barat tapyrdy, tertipsiz güpür-tapyr. *Daşy gabalan ýerkümäniň töweregi eýýäm alahasyrdydy* (A. Geldiýew).

**ALAHEKIK** [a:laheki:k], *at, haýwanat d.* Guýrugy uzyn, reňki ala, gargalar maşgalasyndan bolan guş.

**ALAHÖWREN** [a:lahöwrön], *at, haýwanat d.* Boýnundan tä guýrugyna çenli arkasy tegmil-tegmil, ala reňkli zäherli ýylan.

**ALAJA** [a:laja] **I**, *syp.* Ala reňkli (gabarasy, göwresi kiçijik zatlar hakynda). *Alaja top. Alaja pişik.*

**ALAJA** [a:laja] **II**, *at.* **1**. Akly-garaly sapaklardan örülen ýa-da işilen sapak, bag. *Ol boýnuna alaja dakypdyr.* **2**. Halynyň gyrasyna ak bilen gara ýüp gezekleşdirilip çitilip edilýän akly-garaly çyzmyk nagyş.

**ALAJABARS** [a:lajavars], *at, haýwanat d.* Sargyltçypar reňkli bedeninde köp sanly garaja tegmiller bolan, tüýi gysga, guýrugynyň ujy, garny we tumşugy ak, pişikler maşgalasyna degişli ýyrtyjy.

**ALAJAGÖZEN** [a:lajağözön], *at, haýwanat d.* Pişikden kiçiräk, ýalmanpisint, ala reňkli, ýakymsyz ysly haýwan.

**ALAJAGUZY** [a:lajağuzy], *at.* Hala salynýan iki tarapy diş-diş, üçburçluk şekilli nagyş.

**ALAJA-MULAJA** [a:laja-mu:lojo], *syp. ser.* **Ala-mula**. *Öňüňden alaja-mulaja pişik çyksa gorkjakmy, gorkjak däl?* (Halk döredijiliginden).

**ALAJAÝYLAN** [a:lajaýyla:n], *at. haýwanat d.* Kellesiniň üsti we bedeniniň reňki gara ýa-da garamtyl-goňur, alkymy, bedeniniň aşagy ak ýa-da sargylt, suw ýylanlar maşgalasyna degişli süýreniji.

**ALAKA**, *at.* Syçandan ulurak, mele reňkli gemriji ýabany haýwan.

**ALAKJABERMEK** [alakja:vermek], *işl.* Alakjap başlamak, alakjamagy dowam etmek.

**ALAKJAMA**, *iş ady.* Alakjamak ýagdaýy.

**ALAKJAMAK**, *işl.* Ýetişiksiz ýagdaýda bolmak, iki baka selpemek; howlukmaç, alňasak hereket etmek. *Aç alakjap gezen gurtlar guwanar, Çölde ýaban galan har sesin aňsa* (Zelili).

**ALAKJAMAKLYK**, *iş ady.* Alakjamak ýagdaýy.

**ALAKJAŞMAK**, *işl.* Köpçülikleýin alakjamak.

**ALAKJATDYRMAK**, *işl.* Alakjar ýaly etmek. *Men ony bir salym alakjatdyraýyn.*

**ALAKJATMAK**, *işl.* Ýetişiksiz ýagdaýa salmak, selpetmek, köp gezdirmek, ykdyrmak. *Çagany oňa-muňa alakjadyp ýörmäň.*

**ALAKJAÝYŞ**, *iş ady.* Alakjamak ýagdaýy.

**ALALAMA** [a:lalama], *iş ady.* Alalamak ýagdaýy.

**ALALAMAK** [a:lalamak], *işl.* Birine bir zat bereniňde, sylaglanyňda, haýsydyr bir gowy zat bilen adyny tutanyňda we ş.m. ýagdaýlarda öz islegiňe görä saýlap bermek, birini goýup, beýlekisine bermek, deň tutmazlyk. *Ol hezzet-hormat edende uly diýmän, kiçi diýmän, wezipeli diýmän, wezipesiz diýmän, deň tutardy, adamy alalamagy halamazdy.*

**ALALYK** [a:lalyk] **I**, *at.* **1**. Ala reňkde bolmaklyk, dürli reňkden ybaratlyk, ala ýagdaýyndalyk. **2**. *göç.m.* Agzybir dällik, terslik, oňşuksyzlyk. *Arañyza alalyk aralaşmasyn.*

**ALALYK** [a:lalyk] **II,** *at.* Çäge gatyşykly takyrlyk.

**ALAMAN**, *at, taryh.* Olja, ýesir almak, maksady bilen edilýän çozuş, talaň. *Galanlary bolsa ýow güni, alaman güni ýygnanýarlar* ("Görogly"). *Alamana – ýaby, ýaryşa – eşek, Toýa münüp gitmek sygra ýaraşmaz* (Zelili).

**ALAMANÇY**, *at, taryh.* Alamana gatnaşyjy, alamançylyk ediji. *Ýol üstünde alamançy, Sowul-ha gyzlar geleýdi!* ("Görogly").

**ALAMANÇYLYK**, *at, taryh.* Olja, ýesir almak maksady bilen edilýän çapawulçylyk, talaňçylyk.

**ALAMAT** [ala:mat], *at.* **1**. Göze görünýän aýratynlyk, belgi, nyşan, bellik. *Şonuň ýaly alamatlary biz köp oglanlaryň maňlaýlarynda gördük.* **2**. Duýduryş, aňlatma, nyşan. *Sizden alan sowgadymyz her öýüň toý saçagyna agyz süýjüliginiň alamaty bolup doldy* ("Nesil"). **3**. *göç.m.* Üm arkaly edilýän yşarat, hereket, duýduryş, üm. *Gözel "ýok" diýen alamat bilen başyny ýaýkady-da, ýüzüni bir gapdala sowdy.* **4**. *göç.m.* Betbagtlyk, bela, howp. *Görüp ýolda ýüz müň dürli alamat, Bu gaçgak guluňyz salam getirdi* ("Raý Çyny").

**ALAMATLANDYRMA** [ala:matlannyrma], *iş ady.* Alamatlandyrmak ýagdaýy.

**ALAMATLANDYRMAK** [ala:matlannyrmak], *işl.* **1**. Belli etmek, görkezmek, aňlatmak. *Üýşen mähelläniň agramynyň aýal-gyzlar bolmagy bu toýuň gelin alynýan toý ýa-da ogul toýy däl-de, gyz çykarylýan toýdugyny alamatlandyrýardy* (B. Gulow). **2**. Bellik etmek, bellemek. *Emin utuk sanyny eli bilen alamatlandyrýardy.*

**ALAMATLANDYRMAKLYK** [ala:matlannyrmaklyk], *iş ady.* Alamatlandyrmak ýagdaýy.

**ALAMATLANDYRYŞ** [ala:matlannyryş], *iş ady.* Alamatlandyrmak ýagdaýy.

**ALAMATLY** [ala:matly], *syp.* Alamaty, nyşany, belgisi bar bolan, daşky aýratynlygy bolan. *Gaýrarak gitseň, üsti çelgi alamatly depe bardyr.*

**ALA-MULA** [a:la-mu:lo], *syp.* Ala reňkli, ala reňki bolan. *Ala-mula sygyr.*

**ALAN-ALDY** [alan-ally]**, alan-aldy etmek** öňýeten birden-ikiden alyp, bir zady dagytmak, alha-al etmek, duw-dagyn etmek.

**ALAN-ALDYLYK** [alan-allylyk], *at.* Bir zady eýeçiliksiz dargatmaklyk, alha-allyk.

**ALAŇ**, *at.* Gum depesi, beýiklik, belentlik. *Alaňdan düşüp gelýärkäk, ýaşlaryň biri: On dördi gijäniň Aýy gözel sen! diýip, pessaý ses bilen aýdyma hiňlendi* ("Türkmenistan").

**ALAŇ-AÇYK**, *syp.* Hiç zat bilen daşy gabsalmadyk, örtülmedik, ýalazy, ýalaňaç, açyk; çyplak. *Alaň-açyk meýdan.*

**ALAŇ-AÇYKLYK**, *at.* Daş-töweregi açyk, kapas bolmadyk şemally ýer. *Gawun-garpyz ýaly bakja ekinleri alaň-açyklykda gowy ösýär.*

**ALAŇKYRLAMAK**, *işl.* Işi gutaryp, ahyrlap barmak.

**ALAŇLAÇ**, *syp.* Alaň sypat beýik ýer. *Baýram şol barmana alaňlaç bir ýeriň üstünden bardy* (B. Kerbabaýew).

**ALAŇLYK**, *at.* Alaňyň köp bolan ýeri, alaňly meýdan.

**ALAŇŇYRT**, *at. haýwanat d.* Gemrijiler maşgalasyna degişli alaka pisint çöl jandary.

**ALAPA**, *at, gepl.d.* **1**. Azyk. *Bular duluna bir bogdak un taşlap bilse, "maşgalamyň ýyllyk iýjek alapasyny aldym" diýip, arkaýynlaşýan adamlardy* (A. Gowşudow). **2**. Ýoň edilip alynýan zat, almalymyş diýip alynýan zat. *Ah-ow, muny ýöne alapamyka diýip alyp ýatyrsyňyz-la.*

**ALARAK** [a:lara:k], *syp.* Çala ala, az-kem ala.

**ALARLAMAK**, *işl.* Almaga golaýlamak, alaňkyrlamak.

**ALARLATMAK**, *işl.* Almaga golaýlatmak, aldymberdime salmak, alaňkyrlamak.

**ALARLYK**, *at.* Almaga ýaramlylyk. *Garpyzlar öte bişip, içi düşüpdir, biriniňem alarlygy ýok.*

**ALARMA** [a:larma], *iş ady.* Alarmak ýagdaýy.

**ALARMAK** [a:larmak], *işl.* **1**. Ala bolup görünmek, alalygy bilen beýlekilerden saýlanmak. *Süriniň içinde Japbaklaryň sygry alaryp görünýärdi* (B. Kerbabaýew). **2**. Agy köpelmek, ala bolmak (göz hakynda). *Tä alyp gidýänçäler, onuň alaran gözleri Wepa baka dikilip galdy* (A. Gowşudow).

◊ **Agzy alarmak** *ser*. **Agyz**.

**ALARMAKLYK** [a:larmaklyk], *iş ady.* Alarmak ýagdaýy.

**ALARMAN**, **1**. *syp*. Almagy gaty gowy görýän. *Onuň zatdan gözi doýmandyr, gaty alarman adam*. **2**. *hal*. Almakçy, almagy ýüregine düwen. *Şol maşyny alarman boldum.*

**ALARTMAK** [a:lartmak], *işl.* **1**. Agyny köpeltmek, ala reňke öwürmek, ala etmek. **2**. *göç.m.* Gahar we ş.m. zerarly gözüň agyny köpeltmek. *Ol gapydan girene gözüni alardyp seretdi.*

**AL-ARWAH** [a:l-arwah], *at.* Fantastik, mifologik düşünjä görä: arwah, jyn, eýe.

**ALARYBERMEK** [a:laryvermek], *işl.* Alaryp ugramak.

**ALARYLMAK** [a:larylmak], *işl.* Gözüňi alartmak. *Çaga alarylyp seretmäň.*

**ALARYLYŞMAK** [a:larlyşmak], *işl.* Biri-biriňe alarylmak. *Näme alarylyşyp dursuňyz?*

**ALARYŞ** [a:laryş], *iş ady.* Alarmak ýagdaýy.

**ALARYŞMAK** [a:laryşmak], *işl., ser.* **Alarylyşmak**.

**ALASAMSYGRAK** [a:lasamsyğra:k], *syp.* Akyly gelip-gitmeliräk, çala samsygrak.

**ALASAMSYK** [a:lasamsyk], *syp.* Akyly gelip-gitmeli, ne akylly, ne samsyk.

**ALASAMSYKLYK** [a:lasamsyklyk], *at.* Ne samsyklyk, ne akyllylyk, kemakyllyk.

**ALASAR** [a:lasar], *at. haýwanat d*. Reňki ala guş (saryň bir görnüşi).

**ALASARMYK** [a:lasa:rmyk/a:lasarmyk], *syp.* **1**. Oýaly-ukuly, ukudan doly açylmadyk, ynjalyksyz. *Onuň göwnüne bolmasa, ol uzak gijäni alasarmyk ukuda, gara basyp geçiren ýalydy* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Ne ýagty, ne garaňky, çala, açyk däl. *Indi goýry gara tüssäniň towlanyp asmana galýanyny hem alasarmyk garaňkynyň içinde saýgarmak bolýardy* (A. Gowşudow). **3**. Bulaşyk, gümürtik, düşnüksiz.

**ALASARMYKLYK** [a:lasa:rmyklyk/a:lasarmyklyk], *at.* **1**. Oýaly-ukulylyk, uky gatyşykly halda bolmaklyk. **2**. Ne ýagty, ne garaňkylyk, açyk dällik. **3**. Bulaşyklyk, gümürtiklik, düşnüksizlik. *Ol bu alasarmyklygyň içinde Gurtgeldä ýüzlendi* (B. Seýtäkow).

**ALAS-GOPAS** [alas-ğopos], *syp., gepl.d.* Aljyraňňy, howlukmaç, alňasak. *Ol zatlaryny alas-gopas ýygnaşdyrdy-da, turup gitdi.*

**ALAS-GOPASLYK** [alas-ğoposluk], *at, gepl.d.* Aljyraňňylyk, howlukmaçlyk, alňasaklyk. *Ol alas-gopaslykda näme alyp, näme goýanyny-da bilmedi.*

**AL-ASMAN** [a:l-asma:n], *at.* Dik ýokary, örän ýokary, beýik, belent asman. *Ýaşyl baýdak al-asmanda parlaýar.*

**ALAŞA**, *at.* Tohum at bilen tohum däl baýtaldan bolan at.

**ALAŞAKYRDY** [a:laşakyrdy], *at.* Dürli zatlaryň çakyşdyrylmagyndan emele gelýän ses, düzgünsiz çykýan takyrdy, güpürdi.

**ALATAKYRDY** [a:latakyrdy], *at.* Gaty zatlaryň gozgalmagy, süýşürilmegi, ýykylmagy ýa-da çakyşmagy, biri-birine degmegi sebäpli döreýän şakyrdy, dürli seslerden ybarat güýçli takyrdy. *Üýşürilip goýlan çelekler alatakyrdy bolup gaýtdy.*

**ALATOGAN** [a:latoğon], *at. haýwanat d.* Ululygy torgaý ýaly, mör-möjek iýýän ala guş.

**ALATOW** [a:latow], *at, dokm.* **1**. Tarada dokalýan käbir matalaryň gyragarasyna akly-garaly salynýan eriş. **2**. Aýal köýnekligi üçin ýörite dokalýan ýüpek mata.

**ALATOZAN** [a:latozon], *at.* Durşy bilen tozan, güýçli tozan, uly tozan. *Galanyň içini alatozan edip, uly gopgun turzardylar* (A. Gowşudow).

**ALAW** [alow], *at.* Ot; ýalyn. *Zelili diýr işim ahy-pygandyr, Köňlüm alawdadyr, serim dumandyr* (Zelili).

**ALAWAGYR** [a:lawagyr], *at.* Oturylyşykda we ş.m.-de dürli sesleriň garyşmagyndan çykýan wagyrdyly sesler, şowhunly galmagal.

**ALAWAGYRDY** [a:lawagyrdy], *at, ser.* **Alawagyr**.

**ALAWAKYRDY** [a:lawakyrdy], *at.* Dürli sesler garyşyp çykýan gülki, inçeli-ýogynly gülki sesi. *Alawakyrdy bolmak.*

**ALA-WAKYÝA** [a:la-wa:kyýa:], *syp., gepl.d.* Şadyýan, hezil edişip, goh bolşup oturan. *Olar ala-wakyýa bolşup otyrdylar.*

**ALAWLABERMEK** [alowla:vermek], *işl.* Ýanyp başlamak.

**ALAWLAMA** [alowlomo], *iş ady.* Alawlamak ýagdaýy.

**ALAWLAMAK** [alowlomok], *işl.* Ýalynlap, low-lap ýanmak. *Gara öýüň ortasyndaky ojakda alawlap ýanýan otdan nazaryny sowman oturan ýaşy elli çemesi, süňkbaşy iri, ýüzi nurana kişi egnine ýasgynjak atynan possunynyň ýakalaryny çekişdirip, syýýny ýygnap, has-da tijendi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Älem içre at gezer).

**ALAWLAMAKLYK** [alowlomokluk], *iş ady.* Alawlamak ýagdaýy.

**ALAWLANMAK** [alowlonmok], *işl.* Öz-özünden tutaşyp ýanmak. *Taýýar ýol ýok, Ýol açmaly özümiz, Alawlansyn hyjuw atly közümiz* (B. Hudaýnazarow).

**ALAWLAÝYŞ** [alowloýuş], *iş ady.* Alawlamak ýagdaýy.

**ALAWUZ**, *syp.* Alyp-ýolup barýan, aldajy.

**ALAÝAZ** [a:laýa:z], *syp., hal.* Şatlykly, şadyýan halda; şadyýanlyk, hezillik, şähdaçyk ýagdaý. *Ýigitler alaýaz bolşup aýdym aýdýardylar.*

**ALAÝHYSSALAM** [alaýhyssala:m], *at, k.d.* Köplenç, pygamberleriň ady tutulanda, "oňa salam bolsun" diýen manyda ulanylýan söz.

**ALAZENZELE** [a:lazenzele], *at, ser.* **Alagalmagal**.

**ALBAN** [alba:n], *at, ser.* **Albanlar**.

**ALBANLAR** [alba:nlar], *at.* Albaniýanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**ALBASDY** [a:lvassy], *at.* Eýe, jyn ýaly hyýaly mahluklaryň nyşany; al-arwah.

**ALBAŞYM** [alvaşym], *syp.,gepl.d.* Başagaý (adam hakynda). *Köwşi bilinde... Barýar albaşym, Päliň ýoldaşyň! Päliň ýoldaşyň!* (K. Gurbannepesow).

**ALBAÝ** [alvaý], *at.* **1**. Awçy guşlara aw awlamak öwredilýän wagtynda, olary ýokaryk gondurmak üçin ulanylýan ýüzi gyzyl mataly ak keçe. *Bürgüt uçup esli ýokaryk galdygy, ol her gezek elguşuny nahara çagyranda aýdýan haýt, haýtyny, gygyryp, albaýyny galgatdy* (O. Ödäýew). **2**. *göç.m.* Çakylyk, hile, aldaw. *Meňzäp şuňkara, humaýa, Albaýyna gelseň näder?* (Zynhary).

◊ **Albaý bulamak** çagyrmak, ýanyňa getirmek üçin, albaýy ýokaryk galdyryp, yşarat etmek. *Albaý bulap çagyrsam, Şuňkarym sen gola gel* (Kemine). *Söwdügim tor guşdur, özgä tutdurmaz, Her kim albaý bulap ýortsa ýetdirmez* (Balgyzyl).

**ALBAÝLAMA** [alvaýlama], *iş ady.* Albaýlamak ýagdaýy.

**ALBAÝLAMAK** [alvaýlamak], *işl.* **1**. Albaý bulap, aw guşuny yzyna çagyrmak. **2**. *göç.m.* Çagyrmak, wada bermek, emendirmek, güjeňlemek. *Süýji-süýji günleri albaýlaýan ejirli burgy bu gezek oýnuny çynyrgatdy* (T. Gurbanow).

**ALBAÝLAMAKLYK** [alvaýlamaklyk], *iş ady.* Albaýlamak ýagdaýy.

**ALBAÝLAÝYŞ** [alvaýlaýyş], *iş ady.* Albaýlamak ýagdaýy.

**ALBAÝLY** [alvaýly], *syp.* Özüne çekiji, emendiriji, gyzykdyryjy. *Iňňän albaýly bir habar ýaýrady.*

**ALBOM** [albo:m], *at.* **1**. Surat çekmek, markalary, gerbarileri saklamak we ş.m. üçin kitap görnüşinde daşlanan arassa kagyzlar. **2**. Poligrafiýa usuly bilen sungat eserleriniň, suratlaryň, çyzgylaryň, fotosuratlaryň we ş.m. şekilleri ýerleşdirilip çap edilen neşiri.

**ALÇA**, *at, ösüml.d.* Garala mezeşräk miweli agaç we şol agajyň sary, gyzyl reňkli togalajyk miwesi.

**ALÇAGRAK** [alçağyra:k], *syp.* Azda-kände alçak.

**ALÇAK**, *syp.* **1**. *kön.s.* Pes, aşak. **2**. Gepi-sözi, hereketi bilen özüne imrindirýän, degişmegi, gürleşmegi gowy görýän, göwnaçyk, gadyrly. *Alçak aş iýer* (Nakyl). *Görmegeýdi, edenlidi, alçakdy, Gyzlary jadylan gözleri bardy* (I. Nuryýew).

**ALÇAKLYK**, *at.* Alçagyň gylyk-häsiýeti, gadyrlylyk, degişgenlik, göwnaçyklyk.

**ALÇAKSYRAMAK**, *işl.* Alçak bolan bolmak, alçak görünjek bolmak.

**ALÇALYK**, *at.* Alça agajynyň köp ösüp oturan ýeri.

**ALÇY**, *at.* Aşygyň at tarapy, galyp durandaky üsti oýja tarapy. *Altyn aşygym, alçy gop!* (Halk döredijiliginden).

◊ **Alçy mündürip, towha gondurmak** başyny, gözüni aýlamak, oýnamak, enter-pelegini öwürmek. *Gelin-gyzlar ony oýnap, alçy mündürip, towha gondurýardylar* (A. Gowşudow). **Aşygy alçy gopmak** edeni oňuna bolmak. *Goý, meniň göwnümde arman galmasyn, Alçy gop, aşygym, alçy gop basym* (I. Nuryýew).

**ALDABERMEK** [a:lla:vermek], *işl.* Aldap başlamak; aldamagy dowam etdirmek.

**ALDADYBERMEK** [a:lladyvermek], *işl., gepl.d.* Aldadyp başlamak; aldatmagy dowam etdirmek.

**ALDADYM-MULLADYM** [a:lladym-mu:llodum], *gepl.d.* **aldadym-mulladym etmek** bir işi çala-çula etmek, başdan sowma ýerine ýetirmek.

**ALDAJY** [allajy], *syp.* **1**. Alyp-ýolup barýan, aldym-berdime salýan, janyňa howp salýan. *Şeýle-de bolsa, olar o diýen kän harap bolmanka, bu aldajy keseliň öňi alyndy* (T. Gurbanow). **2**. *gepl.d.* Öz erkine goýmaýan, gün bermeýän (adam hakda). *Ol diýýän-ä, bu bir aldajy-laýt* (A. Nazarow).

**ALDAMA** [a:llama], *iş ady.* Aldamak ýagdaýy. *Adamlary aldamaň bolanok*.

**ALDAMAK** [a:llamak], *işl.* Birini aldawa salmak, ýalan-ýaşryk sözlemek, galplaşdyryp aýtmak. *Aldamaga oglan ýagşy* (Nakyl).

**ALDAMAKLYK** [a:llamaklyk], *iş ady.* Aldamak ýagdaýy.

**ALDAMAZLYK** [a:llamazlyk], *iş ady.* Aldawa salmazlyk.

**ALDANMAK** [a:llanmak], *işl.* Özüňi aldatdyrmak.

**ALDAP-OGŞAP** [a:lla:v-oğşa:p], *hal.* Her edip, hesip edip, ugruny tapyp, ýalbaryp-ýakaryp. *Muny aldap-ogşap atdan düşüreli* ("Görogly").

**ALDAŞDYRMAK** [a:llaşdyrmak], *işl.* Birnäçe adamy aldap çykmak, uçdantutma aldap çykmak. *Ol oturanlaryň ählisini aldaşdyryp çykdy.*

**ALDATDYM-MULLATDYM** [a:llatdym-mu:llotdum], *ser.* **Aldadym-mulladym**.

**ALDATDYRMAK** [a:llatdyrmak], *işl., gepl.d.* Birine özüňi aldatmak derejesine ýetirtmek.

**ALDATMAK** [a:llatmak], *işl.* **1**. *gepl.d.* Aldamak. **2**. Başga birini aldamak, aldawa salmak.

**ALDAW** [a:llow], *at.* Hile, ýalan söz, galp hereket, pirim, al. *Emeldarlaryň aldawyna gitdi, öz giýewisini hem özi bilen aldawa düşürdi* (A. Gowşudow).

**ALDAWAÇ** [a:llowa:ç], *syp.* **1**. Aldap ünsüňi özüne çekýän, aldamaga ökde. *Ependi: – Men aldawaç taýagymy alyp geleýin – diýip gitdi* (Halk döredijiligi). **2**. *gepl.d.* Çagalar üçin alynýan dürli sowgat, zat.

**ALDAWÇY** [a:llowçy], *at, syp.* Ýalan sözleýän, aldamak bilen meşgullanýan, hakykaty ýoýýan, ýalançy.

**ALDAWÇYLYK** [a:llowçuluk], *at.* Hakykaty ýoýujylyk, galp sözlülik; ýalançylyk.

**ALDAÝYŞ** [a:llaýyş], *iş* ady. Aldamak ýagdaýy. *Onuň aldaýşy ýaly-ha aldap bilýän ýokdur*.

**ALDYGYNA** [allyğna], *hal.* Ýetişibildiginden, elinde baryny edip, irmän-arman. *Yzyňdan ýetjek bolup aldygyna ylgadym.*

**ALDYM-BERDIM** [allym-merdim]**: aldym-berdime salmak** agyr ýagdaýa salmak, gyssaga düşürmek, sypara ýer goýmazlyk, gyssamak. *Ertirki görjek azaplarynyň wehimi olary aldym-berdime saldy* (B. Kerbabaýew).

**ALDYM-BERDIMLI** [allym-merdimli], *syp.* Çekeleşikli, heläkçilikli; güýçli, gan döküşikli. *Aldym-berdimli söweş.*

**ALDYMGAÇ** [allymğaç]**,** *at.* Barmaga ildirilip, atanaklaýyn geçirilip kakylýan ýüp. *Aldymgaç jähekden soň çäkmeniň, çabydyň gyrasyna tutulýar.*

**ALDYRMAK** [allyrmak], *işl.* **1**. Almak işini başga birine etdirmek. *Çagajyk ejesine buzgaýmak aldyrdy.* **2**. Ýanyňdaky zadyňy ogurlatmak, gidermek. *Ol jübüsindäki pullarynyň barjasyny aldyrypdyr.* **3**. El, aýak we ş.m. synaň haýsy hem bolsa birinden mahrum bolmak. *Uruşda aýagyny aldyrdy.*

◊ **Aldyrany bar ýaly** örän gyssagly, alňasak, howlukmaç, elem-tas, etek alty, ýeň ýedi. *Bir adam aldyrany bar ýaly bolup, içerik girdi. Eginlekden garynlak, semizliginiň derdinden gözleri çala çyzylyp duran bir adam, aldyrany bar ýaly bolup girdi-de, haşlap aýak çekdi* (G. Gurbansähedow). **Aldyryp ugramak** üstünden düşmek, köteklemek, käýemek. **Özüňi aldyrmak** biriniň göwnünden turmak, adamlara ýarap bilmek. *Akylly gelin ilki bilen gaýyn enesine özüni aldyryp ugrar*.

**ALDYRTMAK** [allyrtmak], *işl.* Bir zady başga birine aldyrmak.

**ALDYRYP-ÝOLDURMAZLYK** [allyryp-ýollurmazlyk], *işl.* Hiç bir zadyňy eliňden gidermezlik, hiç bir zadyňa zyýan ýetirtmezlik. *Aldyrman-ýoldurman, sag-aman geldiňmi, serdar? – diýip, Seýitmyrat beg onuň habaryny aldy* (A.Gowşudow).

**AL-ELWAN** [a:l-elwa:n], *syp.* Gyzyl-ala, gyzyl öwüsýän, gyzyl öwüşginli; dürli reňkli. *Toý gidýär, gyz-gelin al-elwan öwsüp, Ýada salýar güller açan baglygy* (M. Seýidow). *Al-elwan güllerden galypdyr duman, Geçen günlerimden ýok mende arman* (G. Ezizow).

**ALEÝKIM** [a:leýkim], "Sizem aman-esen boluň" diýen manyny aňlatmak bilen, salam beren adama gaýtargy üçin aýdylýan söz. *Salam bermäge ýetişmänkäk "Aleýkim" diýdi-de, göýä garaşýan myhmanlary gelen ýaly, maşynymyzyň gapysyny açyp, öýüne tarap ümledi* ("Türkmenistan").

**ALGARAK** [a:lğarak], *at.* Düýäniň gözüne düşýän kesel, göze ak düşme. *Düýäniň algaragyny teletin bilen duzy çeýnäp gözüne çüflemek arkaly bejeripdirler.*

**ALGAŞ** [a:lğa:ş], *at.* Al bolnanda yrym edilip boýna dakylýan ýaşyl monjuk.

**ALGEBRA** [a:lğevra], *at.* **1**. Matematikanyň san aňlatmalaryna garamazdan, ululyklar bilen geçirilýän amallaryň umumy kanunyny öwrenýän bölümi. **2**. Okuw dersi.

**ALGY** [alğy], *at.* Birine karz berlen pul, mal, birinden gaýtarylyp alynmaly karz. *Bege bergiň, açda algyň bolmasyn* (Atalar sözi).

◊ **Alga almak** sana geçirmek, il hatarynda görmek, derekli hasaplamak, derege ýaratmak, äsgermek. *Seni alga alýan bolsa, ol şeýdermidi?*

**ALGY-BERGI** [alğy-verği], *at.* Adamlaryň arasynda karz-kowal almak hem bermek gatnaşygy, karzyna pul, mal alyş-berşini etmek hem üzlüşmek ýagdaýy.

**ALGYÇ** [alğyç], *at.* Ýeditop, toplumgaçar oýunlarynda, top urlup oýnalýan ýasyja tagtajyk.

**ALGYDAR** [alğyda:r], *syp.* Birine karzyna, nesýe pul, mal beren adam, birinde algysy bar adam, algyly.

**ALGYLY** [alğyly], *syp., ser.* **Algydar**.

**ALGYR** [alğyr], *syp.* **1**. Çüňki, dyrnagy ýiti, uly gözli, çalymtyl mele reňkli, elguşdan kiçiräk ýyrtyjy (guş). **2**. Awy gowy awlaýan, tutýan, awçy. *Algyr tazy.* **3.** *göç.m.* Batyr, edermen, eden işini oňarýan, gaçsa gutulýan, kowsa tutýan. *Atarman, çaparman, algyr ýigide, Ýeri gelse, aman-nurbat ýagşydyr* (Magtymguly).

**ALHA-AL** [alha:-al], *at.* Ýerli-ýerden alma, alan-aldy, köpçülik bolup alma, paýlaşma. *Ýöne weli, şu alha-alda nähili ekin ekiljegini, nähili hasyl alynjagyny men-ä bilýän däldirin* (B. Kerbabaýew).

**ALHA-ALLYK** [alha:-allyk], *at.* Ýerli-ýerden alyşlyk, alan-aldylyk, köpçülik bolup almaklyk.

**AL-HOWA** [a:l-howa:], *at, ser.* **Al-asman**.

**ALJYRABERMEK** [aljyra:vermek], *işl.* Aljyrap başlamak. *Sen aýdylan söze aljyraberdiň-le.*

**ALJYRAMA**, *iş ady.* Aljyramak ýagdaýy. *Aljyramaň näme diýsene?*

**ALJYRAMAK**, *işl.* Özüňi ýitirmek, gapyl galyp, howsala düşmek, eliňi-aýagyňy ýitirmek, başagaý bolmak, başyň çaşmak. *Aljyran aýal ärine aba diýer* (Nakyl).

**ALJYRAMAKLYK**, *iş ady.* Aljyrap durmaklyk, aljyramak ýagdaýy.

**ALJYRAŇŇY**, *syp.* Gara başyna gaý, el-aýagyny ýitiren, başagaý.

**ALJYRAŇŇYLYK**, *at.* Gara başyňa gaýlyk, eliňi, aýagyňy ýitiren ýagdaýda bolmaklyk; howsalalylyk, ýeteşiksizlik, başagaýlyk. *Öz oýy bilen meşgul goja şol habar täze ýaly eşidilip, aljyraňňylyk bilen sorady* (B. Kerbabaýew).

**ALJYRAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup aljyramak, bilelikde aljyramak. *Olar aljyraşyp otyrlar.*

**ALJYRATMAK**, *işl.* Aljyraňňy ýagdaýa salmak.

**ALJYRATMAZLYK**, *iş ady.* Aljyraňňy ýagdaýa salmazlyk.

**ALJYRAÝYŞ**, *iş ady.* Aljyramak ýagdaýy.

**ALKOGOL** [alkoğo:l], *at, ser*. **Spirt**.

**ALKOGOLLY** [alkoğo:lly], *syp*. Düzüminde spirt bolan. *Alkogolly içgiler*.

**ALKYM I**, at. **1**. Adamyň, haýwanyň eňeginiň aşak ýüzi. *Gözel bardyr, uzyn boýly, alkymy, Garaňky gijede düşer ýalkymy* (Magtymguly). **2**. Bir zadyň öň ýany, garşysy, gaşy, golaýy. *Meniň alkymyma dykylyp oturma! Ýary gijeden agandan soň, agyr güýjüni kerweniň alkymynda taýýarlap goýdy* (A. Gowşudow).

◊ **Alkym bagy** boýuntyrygyň samaçowlarynyň aşaky uçlaryny baglaýan ýüp, bag. **Alkymyndan almak 1)** ýakasyndan berk tutmak, kekirdeginden tutmak, gözüni gögertmek. **2)** al petinden almak, berk gaýtargy bermek, dogry gaýtawul bermek. *Onuň ýarysy çyn, ýarysy ýalan gürrüňleri ýaşulynyň gaharyny getirdi, ol oturyp bilmän: "Bes et!" diýip, derrew alkymyndan aldy.*

**ALKYM II**, *at.* Kärizden gowa bilen alynýan suwuň dökülýän çukury.

**ALKYMÇAŇŇA**, *at. zergärç.* Börügi saklaýan, aşagy sakakly, alkyma dakylýan, ýüzi haşamly, gyzyl çaýylan kümüş şaý.

**ALKYMLABERMEK** [alkymla:vermek], *işl.* Alkymlap başlamak.

**ALKYMLAK**, *syp.* Alkymy uly, alkymy etli, etlek alkymly.

**ALKYMLAMA**, *iş ady.* Alkymlamak ýagdaýy.

**ALKYMLAMAK**, *işl.* Bir zadyň, biriniň golaýyna barmak, ýakynyna, ýanyna barmak, golaýlaşmak, ýakyn gelmek. *Garajany alkymlap gelen Hojamberdi gözlerini gyrpyldatdy* (R. Gelenow).

**ALKYMLAMAKLYK**, *iş ady.* Alkymlamak ýagdaýy.

**ALKYMLAMAZLYK**, *iş ady.* Alkymyna barmazlyk.

**ALKYMLAÝYŞ**, *iş ady.* Alkymlamak ýagdaýy.

**ALKYMSA**, *at.* Owsaryň, uýanyň, kellekiniň malyň alkymyndan aýlap berkidilýän ýüpi, bagy.

**ALKYŞ**, *at.* Biriniň eden ýagşylygyna, adamkärçilikli hereketine gaýtargy hökmünde aýdylýan oňat dileg, ýagşy niýet. *Ýagyş bilen ýer gögär, alkyş bilen är gögär* (Nakyl). *Ýagşylykda ile özün tanadan, Alkyş alyp, derejesi zor bolar* (Magtymguly*). Enem pahyr maňa tebipçiligi öwredip ýörkä: "Altyn alma, alkyş al" diýerdi* ("Türkmenistan").

◊ **Alkyş okamak** alkyş aýtmak. *Watan alkyş okap bakanda muňa, ýürek joşa gelip, diller oýandy* (G. Ezizow).

**ALKYŞLABERMEK** [alkyşla:vermek], *işl.* Alkyşlap başlamak; alkyşlamagy dowam etdirmek.

**ALKYŞLAMA**, *iş ady.* Alkyş etmek ýagdaýy.

**ALKYŞLAMAK**, *işl.* Alkyş aýtmak, alkyş okamak, oňat niýet beslemek, ýagşy dileg etmek.

**ALKYŞLAMAKLYK**, *iş ady.* Alkyşlamak ýagdaýy.

**ALKYŞLAMAZLYK**, *iş ady.* Alkyş etmezlik.

**ALKYŞLANMAK**, *işl.* Alkyş edilmek.

**ALKYŞLAÝYŞ**, *iş ady.* Alkyş ediş ýagdaýy.

**ALLA** [alla:], *at.* Hudaý, Taňry, Biribar (yslam dininde). *Dostlarym, bendäni ýaradan Alla, Akyldan aýyryp, jyda etmesin* (Magtymguly).

**ALLA**, *üml.* Wiý, päheý, ýogsam-da bolsa. *Alla, meniň pişik bilen bir oýun salyşmak höwesim bardy-ow* (Erteki).

**ALLALABERMEK** [alla:la:vermek], *işl.* Allalap başlamak; allalap oturmak.

**ALLALAMAK** [alla:lamak], *işl.* Çagany ýatyrmak üçin hüwdülemek, huwwalamak. *Günüm üçin günim oglun allalaryn* (Nakyl). *Allalasam, han ýigit, Eker bagynda çigit* (Hüwdi).

**ALLALAMAZLYK** [alla:lamazlyk], *iş ady.* Allalamak hereketini etmezlik, hüwdülemezlik.

**ALLALATMAK** [alla:latmak], *işl.* Allalamak işini başga birine etdirmek, hüwdületmek.

**ALLAN-ALLAN** [alla:n-alla:n], *üml.* Çaga hüwdülenýän wagtynda aýdylýar.

◊ **Allan-allan etmek** daşyňdan sesli allan-allan sözüni aýdyp hüwdülemek. *Allan-allan edeýin, Baga sallan edeýin. Bagyň gyzyl gülüni, Saňa gurban edeýin* (Hüwdi).

**ALLANÄME** [allanä:me], *syp.* Gaty gowy, örän oňat. *Allanäme adam.*

**ALLANÄMELIK** [allanä:melik], *at.* Örän oňatlyk, bir geňsilik, parahatlyk. *Olaryň öýleri asyl allanämelik.*

**ALLANIÇIGSI** [allaniçiğsi]**: allaniçigsi bolmak** gorkuly tisginmek, ör-gökden gelmek. *Gyrat allaniçigsi bolup gaýra çekildi* ("Görogly").

**ALLATAGALA** [Alla:tağala:], *at, ser.* **Alla**.

**ALLAÝ-ALLAÝ**, *üml.* Çaga ýatyrylmak üçin hüwdülenende, hüwdiniň arasynda gaýtalanýan sözler. *Allaý-allaý ak bäbek, Sallançakda ýat, bäbek* (Hüwdi).

**ALLOWARRA** [alloworro], *at.* Örän uzak ýer, gaty daş, uzak aradaşlyk.

**ALMA I,** *iş ady.* Almak ýagdaýy.

**ALMA II,** *at.* **1**. Miwe getirýän agaç, bag, daragt. **2**. Şol agajyň içi çigitli togalak miwesi. *Alma biş, agzyma düş* (Nakyl). *Tahyr Zöhre jany, Zöhre Tahyry, Alma bilen atyp urdy köşgünde* ("Zöhre – Tahyr"). **3**. Kart oýnunda gyzyl reňkli gül. **4**. Gyza dakylýan at.

**ALMABAŞ** [almavaş], *at, haýwanat d.* Ördegiň ösgün jygaly, çüňki narynç, gyzyl reňkli bir görnüşi.

**ALMADYKSYRAMAK***,* *işl.* Alasy gelse-de, almadyk bolmak. *Näme, berlen zady almadyksyraýaň?*

**ALMAK**, **1**. *işl.* Eliň bilen tutmak, gysymyňa gysmak. *Aýak bar ýörmäge, el bar almaga, Kany bende, saglyk, şükür kylmaga* (Magtymguly). **2**. Pul töläp edinmek, bahasyny töläp, öz eýeçiligiňe geçirmek. *Hyrydar puluny töläp, halyny aldy*. **3**. Ýanyň bilen äkitmek, götermek. *Kagyza dolap üç-dört atym çaý aldy*. **4**. Mahrum etmek, dyndarmak. *Agsagyň elinden alsaň agajyn, Ýaman derde düşer, tapmaz alajyn* (Magtymguly). **5**. Eýelemek, öz hasabyňa geçirmek, eýe durmak, gola salmak. **6**. Kabul etmek. **7**. *gepl.d.* Geçmek, ätmek, aşmak. *Olar on günlük ýoly üç günde alypdylar*. **8**. *göç.m.* Eýe bolmak, mynasyp bolmak. *Ýagşylykda ile özün tanydan, Alkyş alyp, derejesi zor bolar* (Magtymguly). **9**. Gurşamak, gabamak, basmak. *Ýowuz galdym, sil alypdyr etrabym, Könlümniň ummany – Azadym kany?* (Magtymguly). *Gapyllykda duşman aldy daşymyz, Dargatdy her ýana deňi-duşumyz* (Magtymguly). **10**. Ýerine düşürmek, öwezini dolmak, haklaşmak, üzülmek. *Aryňy almak.* **11**. Tapmak, ele salmak. *Muny nireden aldyň?* **12**. Öýlenmek, gelin edinmek. *Alsaň bir sary diş garry aýaly, Oýnaşyp gülüşseň, sapasy bolmaz* (Magtymguly). **13**. Syrmak, aýyrmak. *Dyrnak almak. Saç-sakgal almak*. **14**. Turşulygy gerekli hetde ýetmek, kadaly turşamak. *Hamyr alypdyr.* **15**. Öwrenişip, ysnyşyp kabul etmek. *Goýun ýetim guzyny aldy.* **16**. *gepl.d.* Oňarmak, ýerine düşürmek, jüpüne düşürmek. *Kak bäşi, bolsa-da, şuny-ha aldyň!* **17**. Öldürmek, ölmegine getirmek. *Goýun-geçä çerreltme degse, derrew alýandyr*. **18**. Belli bir şekilde gelen *almak* işliginden soň *barmak, bermek, bilmek, çykmak, galmak, ýatmak* ýaly işlikler gelip, täze manyly düzümli işlikler ýasalýar: **Aljak bolmak** almaga synanyşmak, almaga çalyşmak. **Alyp barmak**

**1)** bir ýerden ikinji bir ýere ýanyň bilen äkitmek, alyp gitmek. **2)** ýolbaşçylygynda amala aşyrmak. **3)** ýöretmek, dolandyrmak. **4)** haýsydyr bir işi belli bir ugra gönükdirmek, dolandyrmak, bir zada ýolbaşçylyk etmek. *Ýygnagy alyp barmak.* **5)** biri bilen gepleşeniňde gürrüňdeşiňe ýol bermezlik; gaty-gaty geplemek. *Bolşuň nähili, edil ker bilen gepleşýän ýaly, alyp barýaň.* **6)** güýçli täsir edip, ýagdaýyňy kynlaşdyrmak, erbetleşdirmek. *Bä, yssy alyp barýar, çydar, eder ýaly däl.* **Alyp başlamak (ugramak)** almaga girişmek, alybermek. **Alyp bermek** birine bir zat äbermek; bir zat bermek. **Alyp bilmek** almagy başarmak, almagyň hötdesinden gelmek. **Alyp bolmak 1)** almak mümkinçiligi döremek. *Alyp bolsa, menem maşyn alarmykam diýýän*. **2)** almak işini tamamlamak. *Men-ä aljak zatlarymyň baryny alyp boldum, indi gaýdybersegem bolýar*. **Alyp çykmak 1)** birini ýa-da başga zady özüň bir ýerden çykarmak. **2)** başarmak, hötde gelmek. **Alyp durmak** bir zady gaýta-gaýta almak, zol-zol almak. *Hiç zat diýilmese-de, özüňki däl zady her gezek alyp durmak bolmaz.* **Alyp galmak 1)** özi almak, özünde goýmak. **2)** ýanyndan hiç ýere goýbermezlik, öz ýanynda saklamak. **3)** üýtgewsiz saklamak, saklap galmak. **4)** haýsydyr bir zatdan halas etmek, saklap galmak. **Alyp gaýtmak 1)** öz ýurduna, öýüne ýany bilen äkitmek. **Alyp gelmek** başga bir ýerden ikinji bir ýere getirmek, eltmek; äkelmek. **Alyp gitmek** ýanyň bilen äkitmek, götermek. **Alyp görmek 1)** bir zady ilkinji gezek almak. *Men bazardan et alyp gördüm diýsem ýalan bolar, öz bakyp-semreden janlylarym bilen mydar edýän.* **2)** bir zady mysal hökmünde almak, peýdalanmak. **Alyp ýatmak** bir zat aýdyp halys etmek, ýürege düşmek, bizar etmek. *Meni kino äkit diýip alyp ýatdyň-aý.* **Basyp almak** uruş edip eýelemek, uruş arkaly eýelemek. **Gaplap almak** kimdir biri ýa-da nämedir bir zat tarapyndan doly suratda eýelenmek (duýgy, pikir we ş.m. hakynda). **Gaýdyp almak** öz zadyňy, sözüňi yzyna almak, gaýtmyşym etmek (aýdan sözüň hakda). **Gurşap almak** daş-töweregini gaplap almak, eýelemek. **Saýlap almak** bar zatlaryň içinden gereklisini, gowy hasap edilenini almak. **18**. *Almak* işligi atlaryň yzyndan gelip, täze manyly düzümli işlikler ýasalýar: **Bat almak** bir işi, hereketi amala aşyrmak üçin bar güýjüňi bir ýere jemläp hereket edip ugramak. **Bilim almak** ylymly, bilimli bolmak üçin okuw okamak, öwrenmek. **Boý almak** ösmek; ese-boýa galmak. **Boýun almak 1)** eden etmişiňi, günäňi, hata işiňi özüň tassyklamak. **2)** bir zada boýun bolmak, kaýyl bolmak. **Dem almak** ýaşaýyş üçin zerur bolan howany içiňe çekmek, içiňe sormak. **Dynç almak** güýjüňi dynçlyk arkaly dikeltmek, rugsadyňy bir ýerlerde geçirmek. **Dyrnak almak** dyrnagyňy kesip, gaýçy bilen gyrkyp aýyrmak. **Garşy almak** öňünden çykyp garşylamak. **Goldaw almak** kömek, ýardam almak. **Görelde almak** biriniň gowy hereketlerini etjek bolmak. **Habar almak** sorap, idäp ýa-da üstüne baryp, anygyny bilmek. *Eger habar alsaň, gepiň teýinden, Diňleseň, diýeýin janym öýünden* (Magtymguly). **Hak almak** ýerine ýetirilen işiň muzduny, aýlyk-günlük puluny almak. **Hasyl almak** ýetişdiren hasylyňy ýygnamak. **Lezzet almak** bir zadyň lezzetini bilmek, duýmak, başdan geçirmek. **Misil almak** nusga almak; mysal tutmak. **Salgy almak** bir ýere nädip barmalydygyny birinden sorap anyklamak. **Sapak almak** sapagy özleşdirmek. **Satyn almak** satylýan harydy, zady pul berip, öz tarapyňa geçirmek, almak. **Surat almak** fotoapparat arkaly suratyny, şekilini döretmek, surata düşürmek. **Ugur almak** bir zada esaslanmak. **Wagtyny almak** gerekmejek sözüň, hereketiň bilen birini gereginden artyk güýmemek, saklamak. **Ylym almak** ylymlary özleşdirmek, öwrenmek. **Ys almak** bir zadyň ýakymly ýa-da ýakymsyz ysyny burun arkaly duýmak, syzmak, bilmek.

◊ **Alan galaň özüňki** dört tarapyň açyk, eliň-aýagyň boş, eliňden gelenini ediber. **Alan galasy bolmazlyk** başaran zady bolmazlyk, elinden iş gelmezlik. **Alany ýanyna 1)** artany üstüne, köpeleni peýda, üstüne goşulany haýryna. **2)** göwnedeni özüne, yrany öz ýarany. **Alan ýeri** (*ýerim, ýeriň, ýeri; ýerimiz, ýeriňiz, ýeri, ýerleri*) satyn alan bahasy. *Satyn alan harytlarym özüni ödärmikä ýa-da alan ýerime geçse-de oňaýmaly bolarmyka?* **Aldyň alty şaýyňy!** Aldyň gerek aklygyňy, aldyň almytyňy. **Alyp barýan galasy ýok** ilden saýlananok, elinden derekli iş gelenok. *Aý, seniňem bir alyp barýan galaň ýok-la!* **Alyp gaçmak 1)** gyzy gizlin äkitmek, gyzy razylygy bilen hossarlaryndan ýaşyryn alyp gitmek. **2)** biriniň diýjek bolýan zadyny öňünden biljek bolmak, öňürtjek bolmak. *Sen gürrüňi alyp gaçma-da, soňuna gulak goý.* **Alyp geç (geçsin)** biriniň bir zat almagyny oňlamadyk adam tarapyndan aýdylýar. *Olam alsa alyp geçsin, bize-de ýeter*. **Alyp götermek 1)** biriniň pikirine goşulmak, duýgudaşlyk etmek, goldamak, tarapyny çalmak. **2)** biriniň edenini etmek, öýkünmek. **Alyp ýatmak 1)** öz eňegiňe tutmak, ýürege düşmek, halys etmek, irizmek. **2)** gutarnykly ýeňmek. **Alyp-ýolup barmak** bir işi çalt ýerine ýetirmek, iňňän başarnykly hereket etmek, ot ýaly bolmak. **Ýüzüni almak** esassyz ýere göni özüne gaty-gaýrym söz aýtmak. *Ýersiz ýere çaganyň ýüzüni alyp durmak bolmaz*.

**ALMAKLYK**, *iş ady.* Almak ýagdaýy.

**ALMALYK I,** *at.* Alma agajynyň köp ekilen, biten ýeri. *Biz almalygyň içi bilen geçip gitdik.*

**ALMALYK II,** *at, dokm.* **1**. Taranyň dessik agajynyň iki ujundaky deşikden geçýän ýasyja tagtajyklar. **2**. Haly gölüniň içindäki gyzyl hem ýaşyl topbak nagyşlar.

**Almanah** [almana:h], *at*. Aýry-aýry awtorlaryň iň saýlama eserleriniň ýygyndysy.

**ALMAZ**, *at*. **1**. Ýaldyrawuk, berk, işlenip bejerilmedik gymmat baha daş. *Bir çopan goluna degse bir almaz, Çakmak daşy eder, gadryn näbilsin* (Magtymguly). **2**. *gepl.d.* Aýna kesýän gural. *Almaz aýnanyň ýüzünde çyzyk goýup gitdi.* **3**. *gepl.d.* Sakgal syrmak üçin ýörite enjama goýulýan ýuka polat päkijik. **4**. Oglana dakylýan at.

**ALMAZLYK**, *işl.* Almak hereketini etmezlik, berlen zada eýelik etmezlik.

**ALMYT 1**. *at.* Bir möhüm iş bitirileni üçin alynýan peşgeş. **2**. *gepl.d.* Etmiş üçin görülýän çäre, temmi.

◊ **Almytyňy almak** hakyňy almak, gaýtarga duçar bolmak, gaýtawul görmek.

**ALŇASABERMEK** [alňasa:vermek], *işl.* Alňasap ugramak. *Birden alňasabermek gowy zat däl!*

**ALŇASAK**, *hal.* Gyssanmaç, howlukmaç, galagop, gyssagly halda, aljyraňňy.

**ALŇASAKLYK**, *at.* Howlukmaçlyk, gyssanmaçlyk, galagoplyk; aljyraňňylyk.

**ALŇASAMA**, *iş ady.* Alňasamak ýagdaýy.

**ALŇASAMAK**, *işl.* Gyssanmak, howlukmak, howlamak; aljyramak. *Men alňasap ugradym.*

**ALŇASAMAKLYK**, *iş ady.* Alňasamak ýagdaýy.

**ALŇASAMAZLYK**, *iş ady.* Howlukmazlyk.

**ALŇASAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup alňasamak. *Beýdip alňasaşyp ýörmäň.*

**ALŇASATDYRMAK**, *işl.* Alňasamaga mejbur etdirmek.

**ALŇASATMAK**, *işl.* Alňasamaga mejbur etmek, howlukdyrmak. *Ol ýoldaşyny alňasatdy.*

**ALŇASAÝYŞ**, *iş ady.* Alňasamak ýagdaýy.

**ALP**, *at, kön.s.* Batyr, edermen.

**AL-PET** [a:l-pet]**: al-petinden almak** ýüzüni almak, gaharly dalamak, azmly garşy çykmak, herrelmek.

**ALPINIST** [alpini:st], *at*, *sport*. Alpinizm bilen meşgullanýan sportsmen.

**ALPINIZM** [alpini:zm], *at*, *sport*. Barmasy kyn dag gerişlerine çykmaklyk – sportuň görnüşi.

**ALŞYK**, *at.* **1**. Çalşyk, çalşyryş, alyş-çalyş. **2**. Iki döwrüň sepgidi, çalşygy.

**ALTATAR**, *at.* Daragynda alty ok ýerleşýän tüpeň.

**ALTAÝ**, *at, ser.* **Altaýlar**.

◊ **Altaý dilleri** türki, mongol, tungus-manjur dillerini öz içine alýan dil maşgalasy.

**ALTAÝLAR**, *at.* Türki halkyýet.

**ALTMYŞ**, 60 belgisiniň ady we onuň aňladýan sany.

**ALTMYŞLYK**, *at.* Käbir zatlaryň ölçegini görkezýän san.

**ALTMYŞYNJY**, *san.* 60 sanyndan ýasalan tertip san. *Altmyşynjy ýyllaryň edebiýaty.*

**ALTY**, **1**. 6 belgisiniň ady we onuň aňladýan sany. *Giç ýat-da, ir tur, alty pişegi artyk ur* (Nakyl). **2**. Oglana dakylýan at.

**ALTYBURÇLUK** [altyvurşluk], *at.* Alty burçly geometrik şekil.

**ALTYGANAT** [altyğa:nat], *syp.* Tärimi alty bölek, alty bölek tärimli. *Alty ganat ak öýüň ýaraşygy sallançak* (Hüwdi).

**ALTYLYK**, **1**. *at.* 6 san bilen aňladylýan haýsydyr bir zadyň ady. **2**. Käbir zatlaryň ölçegini görkezýän san. *Altylyk köwüş.*

**ALTYN**, *at.* **1**. Gymmat bahaly gyzylymtyl-sargylt reňkli metal, tylla, gyzyl, himiki element. *Altyn alma, alkyş al* (Nakyl). *Suw damjasy – altyn dänesi* (Nakyl). **2**. *göç.m.* Hasylly, bereketli. *Altyn güýz.* **3**. *göç.m.* Hemme taraplaýyn nusga. *Altyn eller.* **4**. Gyza dakylýan at.

◊ **Altyn asyr** jemgyýetde, ýaşaýyşda, durmuşda, syýasatyň ýöredilişinde we ş.m. babatda nusga alarlyk belli bir ýüzýyllygy öz içine alýan döwür, döwletli asyr.

**ALTYNGABAK** [altynğa:vak], *at.* Altyndan ýasalan kädini (gabak) ok-ýaý bilen atyp urmak boýunça guralýan gadymy türkmen oýny. *At çapdyryp, altyngabak atdyrdylar* ("Görogly"). *Hysrow patyşa ýurduna gelip, kyrk gije-gündiz toý tutdy, at çapdyryp, altyngabak atdyrdy* ("Hüýrlukga – Hemra").

◊ **Altyn gabak atdyrmak** oýnunyň ady we şol oýny oýnamak.

**ALTYNJY**, *san.* 6 sanyndan ýasalan tertip san. *Altynjy kilometr.*

◊ **Altynjy gün** *gepl.d.* Şenbe. *Ol obadan altynjy gün geler.*

**ALTYN-KÜMÜŞ**, *at.* Altyn hem kümüş, altyndan we kümüşden edilen zatlar, gymmat bahaly zatlar. *Altyn-kümüş daş bolar, arpa-gylçyk aş bolar* (Nakyl).

**ALTYÝAŞAR**, *syp.* Alty ýaşyny dolduran, alty ýaşly (mal hakynda). *Onuň altyýaşar inen düýesi bardy.*

**ALUW-SATUW**, *at.* Satyn alyş we satyş, söwda.

**ALWAN**, *at, ösüml.d.* **1**. Dagda bitýän, ýeralma meňzeş ösümlik. **2**. Şol ösümligiň ajy miwesi.

**ALY** [a:ly], *syp., k.d.* Ýokary, beýik, belent.

**ALYBERMEK** [alyvermek], *işl.* Almaga başlamak, alyp ugramak.

**ALYÇ**, **1**. *at, ösüml.d.* Dagda bitýän ýabany agaç. **2**. Şol agajyň içi şänikli miwesi.

**ALYHEZRETLERI** [a:lyheziretleri], *at, k.d.* Beýik mertebeli adama ýüzlenilende aýdylýan söz.

**ALYJENAP** [a:lyjena:p], *at, ser.* **Alyhezretleri**.

**ALYJY**, *at.* Harydy satyn alýan, hyrydar.

**ALYJYLYK**, *at.* Alyjynyň ýagdaýy, satyn alyş ukyby.

**ALYK**, *at.* Sürä, çekenä goşulýan malyň gulagyna ýarag bilen edilen bellik, kesik.

**ALYM** [a:lym], *at.* **1**. Ylmyň haýsy-da bolsa bir ugrundan ýörite bilim alan, alymlyk derejesine ýeten adam, ylymly adam. *Alym bolmak aňsat, adam bolmak kyn* (Atalar sözi). *Adam ýagşysy alymdyr, Amal etmese zalymdyr* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Özüni köpbilmiş saýýan adam. *Magtymguly aýdar, bu ne hekaýat, Il bary alymdyr tutmaz nesihat* (Magtymguly). **3**. Oglana dakylýan at.

**ALYMLYK** [a:lymlyk], *at.* Ylymdan baş çykarmaklyk, alym derejesine mynasyplyk: alymyň derejesi.

**ALYMSAK**, *syp., gepl.d.* Para-peşgeş almagy gowy görýän, zat almagy söýýän, nebsewür. *Ol alymsak däldi.*

**ALYMSAKLYK**, *at.* Para-peşgeş almagy gowy görmeklik, zat almagy söýmeklik, nebsewürlik.

**ALYMSUMAK** [a:lymsumok], *at.* Ylymlysyran bolýan, alym adyna degmeýän, çala sowat alym.

**ALYMSUMAKLYK** [a:lymsumokluk], *at.* Alymsyran bolmaklyk, alymsumak halda bolmaklyk, ylymlysyramaklyk.

**ALYN** [a:lyn], *at.* **1**. Maňlaý. *Halal zähmetiň, alyn deriň bilen gazananyňy maşgalaňa harç edip, barha güzeranyňy gowulandyrmak her bir adama göwün rahatlygyny bagyşlaýar, ruhuny belent saklaýar* ("Türkmenistan"). **2**. Öň, maňlaý tarap, öň tarap.

◊ **Alyn diş** adamyň we oňurgaly haýwanlaryň ýokarky äňinde ýerleşýän isgene şekilli bir kökli diş. *Adamda alty sany alyn diş bolýar.* **Alny gara** betbagt; keçjal, hötjet. *Ol alny gara-da tiz bejer diýsem, ýüz takal okar* (A. Durdyýew). **Alnyna barsyn!** Merhumyň hatyrasyna degsin edilip, okalan aýat-töwwiriň onuň ruhuna siňmegi dileg edilip aýdylýan aňlatma. **Alnyna gelmek** geň gören zadyňa duçar bolmak, öz başyňa düşmek. **Alnyndan diremek** kömek etmek, goldaw bermek, bir zada kömekleşmäge wagtynda ýetişmek, maňlaýyndan diremek. *Adybeg ýykylan-sürşen ýerimizde biziň alnymyzdan direýär* ("Görogly"). **Alnyň açyk bolsun,** görjek günüň hemişe gowy bolsun. *Başyňyz dik bolsun, alnyňyz açyk, gaýgydyr hasraty görmäň siz baky* (B. Hudaýnazarow). **Alnyň-bagtyň açyk bolsun!** bagtly bol, durmuşyň gowy bolsun (durmuşa çykýan gyza edilýän dileg). **Alnyňy diremek** kömek, haraý isläp bir ýere barmak, ýüz tutup görmek. **Alnyňy hak açsyn!** bagtyň açylsyn, maňlaýyň açyk bolsun, görjegiň gowy bolsun. *Sonam, alnyň hak açsyn, Nirde gezseň, sagja gez* (A. Alamyşow). **Nämäň alnyndan** pylany kimmişin, ol hiç kim, elinden geljek zat bolmaz, diýen manyda ulanylýan aňlatma. *O nämäň alnyndan, ondan hiç kim gorkanok.*

**ALYNDAŇY** [a:lynnaňy], *at.* Aýal-gyzlaryň tahýasynyň ýa-da börüginiň daşyndan daňynýan ýaglygy.

**ALYNDAŇYLYK** [a:lynnaňylyk], *at.* Alyndaňy etmek üçin ýaglyk. *Olar gyňajy alyndaňylyk diýip, dörde böldüler.*

**ALYNKY** [a:lynky], *syp.* Öňdäki, gabat garşydaky, ýüz tarapdaky.

◊ **Alynky hatar kentlewük çekimsizleri** dil ujunyň alynky kentlewüge ýakynlaşmagy ýa-da degip gaýtmagy esasynda hasyl bolýan çekimsizler.

**ALYNMAK**, *işl.* **1**. Özüň üçin almak. *Ol özüne köýnek, köwüş alyndy.* **2**. Eliň bilen tutulmak, gysymyňa gysylmak. *Berlen zat alynsa gowy.* **3**. Satlyga çykarylan zat geçmek, ýerlenmek. *Dükana gelen kitaplar derrew alyndy*. **4**. Mahrum edilmek (adamyň elindäki, eýeçiligindäki zatlar hakynda). **5**. Eýelenmek, öz hataryňa geçirilmek. **6**. *göç.m.* Eýe bolunmak, mynasyp bolunmak. **7**. Syrylmak, aýrylmak (saç-sakgal hakynda). *Saç-sakgal wagtynda alynsa ýagşy.*

**ALYNSAÇ** [a:lynsaç], *at.* **1**. Gyzyň maňlaýyndaky saç. *Alynsaçyn açmaly, Täze köýnek biçmeli, Joralary gelende, Nogul-nabat seçmeli* (Hüwdi). **2**. Atyň ýalynyň iki gulagynyň arasyndan aşak sallanyp duran bölegi. *Ol atynyň alynsaçyny oýnap durşuna, ýalyna elini ýetirdi.*

**ALYNŞAÝ** [a:lynşaý], *at, zergärç.* Şelpeleri uzynja, zynjyra düzülen, tahýanyň öň tarapyndan dakylýan kümüş şaý. *Meniň bezegim-şaýym Bu-da onuň üstüne, bukawym, alynşaýym* (A. Nyýazow).

**ALYNUK** [a:lynu:k], *at.* Gara öýüň ýokarky işiginiň üstündäki uklar. *Öýüň dört alynugy bolýar.*

**ALYS**, *syp.* Uzak aralyk, uzak, daş, yrak. *Alys ýerden gelmek.*

**ALYSLYK**, *at.* Uzaklyk, daşlyk. *Ol alyslyklara garap, pikire çümüpdi.*

**ALYŞ**, *iş ady.* Almak ýagdaýy. *Başga birinden alan zadyňy alşyň ýaly edip yzyna gaýtarmalydyr.*

**ALYŞ-BERIŞ** [alyş-weriş], *at.* **1**. Bir zat almaklyk ýa-da bermeklik. *Ol goňşusy bilen alyş-berşini kesmeýärdi.* **2**. Gyz alyp, gyz bermek gatnaşygy, gudaçylyk gatnaşygy. *Olar-a biziň köneden alyş-beriş edýän ýerimizdir.*

**ALYŞ-ÇALYŞ** [alyş-şalyş], *at.* Haryt alyp, haryt beriş, ownuk söwda.

**ALYŞDYRMAK**, *işl.* **1**. Gerek-ýarak zatlary yzly-yzyna almak; gezekli-gezegine almak. *Çagalara oýnawaç alyşdyrmak*. **2**. Köpçülik bolup almak, ýerli-ýerden alyp dargatmak. *Her kim özüne ýeten paýy alyşdyrdy.* **3**. Biri-birine öwrenişdirmek, ysnyşdyrmak. *Çopan goýun bilen guzyny alyşdyrdy.*

**ALYŞMAK**, *işl.* **1**. Almaga kömekleşmek. *Men oňa bazardan gawun-garpyz alyşdym*. **2**. Birnäçe bolup bilelikde almak. *Olar bazardan gerek-ýarak zatlaryny alşyp ýördüler.* **2**. *gepl.d.* Çalyşmak, deregine zat

berip, zat almak. *Olar köwüşlerini alyşdylar.* **3**. *sazç.* Goşulyşyp, sazlaşyp gitmek. *Dutar bilen gargy tüýdük alşyp gitdi.* **5**. *Alyşmak* işliginiň öňünden *pikir* sözi gelip, täze manyly düzümli işlik ýasalýar: **Pikir alyşmak** bir zat hakynda özara maslahatlaşmak.

◊ **Gep alyşmak** biri-biriň bilen gürleşmek, gepleşmek. *Ýüzün sowup, gep alyşmaz çyn ärler, Bir söý bilen ýagşy dosty çep bolsa* (Magtymguly). **Gep alşar ýaly däl** goh-galmagal zerarly biri-biriň aýdýan sözüni eşider ýaly däl. *Adamlar, ýuwaşrak boluň! Asyl gep alşar ýaly däl.*

**AL-ÝAŞYL** [a:l-ýa:şyl], *syp.* Gyzyl, ýaşyl, gök we ş.m. reňkleriň sazlaşygy; gyzyl-ýaşyl reňkli. *Al-ýaşyl bürenip çykar perisi* (Magtymguly).

**ALÝUMINIÝ** [alýumi:niý], *at*. Çalymtyl-ak reňkli sozulagan ýeňil metal, himiki element.

**AMAL**, *at.* **1**. Önümçilikde, ylymda bir zady ýerine ýetirmek üçin edilýän hereket, iş. **2**. *gepl.d.* Çäre, alaç. *Muňa amal tapylmazmyka?*

◊ **Amala aşyrmak** durmuşa geçirmek, ýerine ýetirmek, berjaý etmek, amal etmek. *Uly çäreler amala aşyrylýar*. **Amal etmek** *ser.* **Amala aşyrmak.** *Biz öz üstümize alan wadamyzy abraý bilen amal etdik.*

**AMALY**, *syp.* **1**. Amala degişli bolan, amala esaslanýan. *Amaly iş.* **2**. Nazaryýet taýdan däl-de, iş ýüzünde, durmuşda ýüze çykmasy bolan. *Amaly çäre. Amaly maslahat. Amaly sapak.*

**AMALY-HAŞAM**, *syp.* Haşam bilen bagly amaly işlere degişli. *Amaly-haşam sungaty.*

**AMALYÝET,** *at.* **1.** Adamlaryň jemgyýetiň ýaşamagy üçin zerur bolan şertleri döretmeklige gönükdirilen ähli işleriniň jemi. **2.** Nazaryýet ýoly bilen bilimleri, endikleri iş ýüzünde ulanmaklyk.

**AMAN** [ama:n], *syp.* **1**. Sag-salamat, sag-gurgun, sag, başy bitin; diri. *Aýda gelsin – aman gelsin* (Nakyl). *Sabr eýlegil, guzyň Ýusup amandyr* (Andalyp). **2**. ″Rehim et!″ diýen manyda ulanylýan ýüz tutma sözi. *Aman diýse, ynsap ediň, Bir gözi girýan ýoluksa* (Talyby). *Arap gardaş aman, aman* (″Görogly″). **3**. Adam ady.

◊ **Aman bermezlik** heläk etmek, weýran etmek. *Çandybile baryp, tutaryn mekan. Duşman garşylaşsa, bermerin aman* (″Görogly″). **Aman dilemek** rehim edilmegini haýyş etmek. *Garýagdynyň aýagyndan ogşadylar, aman dilediler* (H. Ysmaýylow). **Amana (amana-toba) gelmek** boýun egmek, puşman etmek, pälinden gaýtmak, toba gelmek. *Namart gara görse, geler amana* (Magtymguly). *Pelegiň derdinden geldim amana, Kazaň dolan güni bermez zamana* (Balgyzyl). **Aman galmak** ölmän, diri galmak, sag-salamat galmak.

**AMANAT**, *syp.* **1**. Özüňe degişli däl, kesekiniňki, wagtlaýyn alnan, iliňki, başga kişiniňki (zat hakynda). *Amanat geýim.* **2**. *göç.m.* Wagtlaýyn, hemişelik bolmadyk. *Ýalan bilmäň bu kazany, Amanatdyr beren jany* (Seýdi).

◊ **Amanadyny almak** janyny almak, öldürmek. *Sen ýetmeseň perýadyma, dadyma, Bergen amanadyň al diýp aglaryn* (″Hüýrlukga – Hemra″). **Amanadyny tabşyrmak** ölmek, ýogalmak, aradan çykmak.

**AMAN-ESEN** [ama:n-esen], *at, ser.* **Aman-sag 1**.

**AMAN-ESENLIK** [ama:n-esenlik] *syp., ser.* **Aman-saglyk**. *Oba-gara, mal-baş aman-esenlikmi?*

**AMANLYK** [ama:nlyk], *at.* **1**. Saglyk, gurgunlyk, başy bitinlik. *Oglum, amanlykmy?* **2**. Dynçlyk, asudalyk.

**AMANLYK-ESENLIK** [ama:nlyğ-esenlik], *at, ser.* **Amanlyk-saglyk**. *Atasy bilen amanlyk-esenlik soraşdy* (″Görogly″).

**AMANLYK-SAGLYK** [ama:nlyk-sağlyk], *at.* Saglyk-gurgunlyk, salamatlyk, başbitinlik. *Gol gowşuryp, amanlyk-saglyk soraşdy* (″Görogly″).

**AMAN-NURBAT** [ama:n-nurvot], *at.* **1**. Rehimdarlyk manysynda gelýän söz. *Atarman-çaparman, algyr ýigide, Ýeri gelse, aman-nurbat ýagşydyr* (Magtymguly). **2**. ″Aman-aman! Rehim et!″ *Şunça gezdim azapda, gamzalaň jandan öter, Aman-nurbat, eý gelin, ak ýüzli Maralym-a* (Durdy bagşy).

**AMAN-SAG** [ama:n-sağ], *syp.* **1**. Sag-gurgun, sag-salamat, sag-aman, aman-esen. *Aman-sag geldiňmi?* **2**. *göç.m.* Dawa-jenjelsiz, gykylyk-galmagalsyz, gulagy dynç. *Muny aman-sag ugradaweri* (″Görogly″).

**AMAN-SAGLYK** [ama:n-sağlyk], *at, ser.* **Amanlyk-saglyk**. *Aman-saglyk soraşanlaryndan soň, ol kişi aýtdy* (″Zöhre – Tahyr″).

**AMAN-ZAMAN** [ama:n-zama:n]**, aman-zamanyny bermezlik** eglemän, ara salym salman, aýňaldyrman, derrew, tiz hereket etmek, hereket etmek.

**AMAT** [a:mat], *at.* Maý, çeme, oňaý, wagt, şert, orun taýdan laýyklyk, degerli pursat.

**AMATLY** [a:matly], *syp.* **1**. Oňaýly, çemeli; wagta, şerte, orna laýyk, ýaramly. *Amatly pursat.* **2**. *göç.m.* Peýdaly, maddy taýdan oňaýly, bähbitli, haýyrly. *Ekerançylyk ýerlerini suwarmakda, topragyň yzgarlylyk derejesini saklamakda tygşytly hem amatly usul önümçilige ornaşdyrylýar* (″Türkmenistan″).

**AMATLYLYK** [a:matlylyk], *at.* **1**. Oňaýlylyk, çemelilik. **2**. *göç.m.* Maddy taýdan oňaýlylyk, peýdalylyk, bähbitlilik, haýyrlylyk.

**AMATSYZ** [a:massyz], *syp.* **1**. Oňaýsyz, çemesiz, ýaramsyz. *Amatsyz wagt.* **2**. *göç.m.* Peýdasyz, haýyrsyz, bähbitsiz. *Amatsyz söwda*.

**AMATSYZLYK** [a:massyzlyk], *at.* **1**. Oňaýsyzlyk, çemesizlik, ýaramsyzlyk. *Ýokary hasyl almaga howa ýagdaýynyň amatsyzlygy päsgel bermedi.* **2**. *göç.m.* Peýdasyzlyk, haýyrsyzlyk, bähbitsizlik.

**AMERIKALY** [ame:rikaly], *ser.* **Amerikalylar**. *Amerikaly gyz.*

**AMERIKALYLAR** [ame:rikalylar], *at.* Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň raýatlary.

**AMERIKAN** [amerika:n], *syp.* Amerikanyň, Amerika degişli. *Amerikan dollary*.

**AMMAR**, *at.* **1.** Galla we ş.m. zatlar saklamak üçin jaý, ýer. *Ammarlary bugdaýdan dyňzap duran, dulundaky mukaddes saçagy ýaşaýşyň örki bolan mele-myssyk nandan dolup duran, ýüregi suwluja türkmeniň bu gün şatlanmaga-da, toý tutmaga-da haky bar* ("Türkmenistan"). **2.** Her hili zat saklanýan jaý, ýer. *Ätiýaçlyk şaýlar ammary. El goşlary ammary. Nebit ammary.*

**AMMYR**, *at.* Körükde gyzdyrylan demri tutmak üçin uzyn saply, agzy egreldilen gural, ysaç.

**AMPER** [a:mper], *at.* Birlikleriň halkara sistemasynda elektrik togunyň güýjüniň esasy birligi.

**AMPERMETR** [a:mperme:tir], *at.* Elektrik togunyň güýjüni (amperlerde, milliamperlerde, mikroamperlerde we kiloamperlerde) ölçemek üçin enjam.

**ANA**, *çal.* Anha, hanha (edil golaýyňdaky zady görkezmek üçin ulanylýan *ine* sözünden tapawutlanyp, özüňden azajyk daşrakdaky gözüň görüp duran we bolýan zatlary görkezmek üçin ulanylýar).

**ANATOMIÝA** [anato:miýa], *at.* Organizmleriň gurluşy hakyndaky ylym. *Adamyň anatomiýasy. Adam anatomiýasynyň atlasy.*

**ANBAR** [anvar], *at, k. d.* Müşk ýaly ýakymly ysly jisim. *Al-ýaşyl bürenip çykar perisi, Kükeýip bark urar anbaryň ysy* (Magtymguly). *Äleme anbar saçar, degende şana zülpüň* (Kemine).

**ANÇA**, *çal., k. d.* Şonça, şeýle, munça, ençe. *Ançalar adyna Görogly dakdy, Namysly, edenli pälwan galmady* (Magtymguly).

**ANDAG** [andağ], *çal., k. d.* Şeýle, şunuň ýaly, şuňa meňzeş. *Emma rawylar andag rowaýat kylarlar kim, gadym eýýamda Turan welaýatynda Nasyr atlyg bir patyşa bar erdi* (Şabende).

**ANDALYP** [andaly:p], *at, k. d.* **1**. Bilbil. *Andalyp bolup saýradym, Göz bile gaşlar, hoş indi* (Hatam şahyr). *Kapas içre galyp, eýlerem nala, Andalybam gülgüzarym ýok meniň* (Kätibi). **2**. Adam ady.

**ANDYZ** [annyz], *at, ösüml.d.* Kösügi käşire meňzeş, ownuk ýaprakly derman ösümlik. *Andyzlynyň aty ölmez* (Nakyl).

**ANHA** [anha:], *çal.* Ana, hana, hanha, halha.

**ANJAÝYN**, *syp.* **1**. Başarnykly, ederini bilýän, zor, artykmaç. **2**. Artykmaçlyk eden zor adam hakynda gürlenjek bolnanda öňünden getirilýän giriş sözi (köplenç, aýal-gyzlar tarapyndan ulanylýar). *Anjaýyn, Orazgül eje goňşy-golamyň ümesinden galanok.*

**ANJAÝYNSYRAMAK**, *işl.* Anjaýyn bolmaga ymtylmak, gowy, her babatda zor bolmaga çalyşmak, anjaýyn adamlara öýkünmek.

**ANKA**, *at, kön. s.* Ertekilerde, rowaýatlarda duş gelýän hyýaly guş. *Anka aýdar: "Ýolçuýam"* (Magtymguly).

**ANNA** [a:nna], *at.* **1**. Hepdäniň bäşinji gününiň ady. **2**. Adam ady.

◊ **Anna agşamy** anna gününden öňki penşenbe gününiň agşamy.

**ANNAÇY** [a:nnaçy], *at, kön. s.* Sygyr ýa-da dowar bakany üçin, her anna güni süýt görnüşinde hak alýan çopan. *Togsan dolup ýere ýyly gidende, Baýlaryň hakyny iýer annaçy* (Halk döredijiliginden).

**ANT I**, *at.* Bir iş etmek üçin berilýän wada, gutarnykly äht, ynandyrmak maksady bilen edilýän kasam. *Tä ölinçäm senden dönsem, Kelamylladan ant olsun* ("Görogly").

◊ **Ant içip, awy ýalamak** her edip, hesip edip ynandyrmaga synanmak. *"Ýalan" diýip, ýigit ant içip, awy ýalady*. **Ant içmek** bir iş hakynda gutarnykly söz bermek, kasam etmek.

**ANT II**, *syp., gepl.d.* Mekir, hilegär.

**ANTENNA** [ante:na], *at.* Radio tolkunlaryny kabul etmek we şöhle goýbermek üçin enjam.

◊ **Çanak antenna** kosmosda uçup ýören hemradan iberilýän radio we telewizion signallary kabul edýän antenna.

**ANTIFAŞIST** [antifaşi:st], *at*, taryh .Faşizme garşy göreşiji, faşizmiň duşmany.

**ANTIFAŞISTIK** [antifaşi:stik], *syp*., taryh Faşizme garşy gönükdirilen. *Antifaşistik hereket*.

**ANTIK** [a:ntik], *at*. Gadymy grekleriň we rimlileriň taryhyna we medeniýetine degişli. *Antik filosofiýa. Antik sungat.*

**ANTOLOGIÝA** [antalo:ğiýa], *at.* Aýry-aýry awtorlaryň saýlanan çeper eserleriniň ýygyndysy.

**ANTONIMLER** [anto:ni:mler], *at*, *dil.b.* Bir many toparyna degişli bolup, garşylykly many aňladýan sözler. Reňk aňladýan *ak – gara*, tagam anladýan *ajy – süýji*, ölçeg aňladýan *uzyn – gysga*, *beýik – pes* sözleri antonimleriň hataryny hasyl edýär.

**ANYGRAK** [anyğyra:k], *syp.* Has anyk. *Aýtjak bolýan zadyňy anygrak aýtsana*.

**ANYK**, *syp.* Umumy zatlara garanda takyk, kesgitli, belli. *Anyk düşünje. Anyk mysal. Anyk mesele. Anyk jogap. Anyk sözlemek.*

**ANYKLABERMEK** [anykla:vermek], *işl.* Anyklap başlamak; anyklamagy dowam etmek.

**ANYKLAGAN** [anyklağan], *syp.* Köplenç, anyklap duragan.

**ANYKLAGYÇ** [anyklağyç], *syp.* Anyklagan. *Synçy adamlar her bir zady anyklagyç bolýar.*

**ANYKLAMA**, *iş ady.* Anyklamak ýagdaýy.

**ANYKLAMAK**, *işl.* Bir zadyň anygyna, takygyna ýetmek, haýsydyr bir maglumatyň, habaryň we ş.m. bellisini bilmek, açyk etmek. *Meseläni anyklamak.*

**ANYKLAMAKLYK**, *iş ady.* Anyklamak ýagdaýy.

**ANYKLAMAZAK**, *syp.* Anyklamagy endik etmedik.

**ANYKLAMAZLYK**, *iş ady.* Anygyna ýetmezlik.

**ANYKLANMAK**, *işl.* Anygyna ýetilmek.

**ANYKLAŞDYRMAK**, *işl.* Bir zady, işi, habary has-da anyk etmek, yzly-yzyna takyklamak; birnäçe zady takyk etmek.

**ANYKLAŞMAK**, *işl.* **1**. Anygyna ýetmek üçin birine kömek etmek. **2**. Bir zady biri bilen bile anyklamak.

**ANYKLATDYRMAK**, *işl., ser.* **Anyklatmak**.

**ANYKLATMAK**, *işl.* Anyklamak işini başga birine etdirmek; anyklamaga mümkinçilik bermek.

**ANYKLAÝYŞ I**, *iş ady.* Anyklamak ýagdaýy.

**ANYKLAÝYŞ II**, *at, lukmanç.* Hekimçiligiň, lukmançylygyň keselleriň alamatlaryny öwrenýän bölümi; keseli anyklamaklyk. *Keselleri anyklaýyş merkezi.*

**ANYKLYK**, *at.* Belli bir zat hakyndaky takyklyk, aýanlyk, kesgitlilik.

**AORTA** [ao:rta], *at. lukmanç.* Özüniň şahalary arkaly bedeniň ähli organlaryny we dokumalaryny gan bilen üpjün edýän esasy gan damary.

**AŇ** [a:ň], *at.* **1**. Akyl, huş; ýat. *Ajyň aňy bolmaz* (Nakyl). **2**. Pikirlenmek ukyby we hakykata gatnaşygyňy kesgitläp bilmeklik. *Jemgyýetçilik aňy*.

◊ Aň etmek üns bermek; bir zat bolar diýip pikir etmek, bolar öýtmek. *Aň etmändirin-dä, edil beýle boljagyny näbileýin?!*

**AŇAGAN** [a:ňağan], *syp., ser.* **Aňçy.**

**AŇALAGAN** [aňalağan], *syp.* Köplenç, aňalyp durýan.

**AŇALJYRAMAK**, *işl.* Aňalyp durmak.

**AŇALMA**, *iş ady.* Aňalmak ýagdaýy.

**AŇALMAK**, *işl.* Bir zada anyk göz ýetirip bilmän, düşünmän aňk bolup durmak, haýran galmak, aňkarmak.

**AŇALMAKLYK**, *iş ady.* Aňalmak ýagdaýy.

**AŇALMAZAK**, *syp.* Aňalyp durmazak.

**AŇALMAZLYK**, *iş ady.* Aňalyp durmazlyk.

**AŇALTMAK**, *işl.* Başga birini aňalar ýaly etmek.

**AŇALYBERMEK** [aňalyvermek], *işl.* Aňalyp ugramak.

**AŇALYŞ**, *iş ady.* Aňalmak ýagdaýy.

**AŇALYŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup aňalmak, köpçülikleýin, biri bilen bile aňalmak. *Olar näme etjeklerini bilmän aňalyşyp durdular.*

**AŇ-BILIM** [a:ň-milim], *at.* Sowat, okuw, bilim.

**AŇ-BILIMLI** [a:ň-milimli], *syp.* Her taraplaýyn sowatly, okuwly, bilimli. *Ol aň-bilimli bolup ýetişipdir.*

**AŇÇY** [a:ňçy], *syp.* Aňmagy oňat başarýan, aňmaga endik eden. *Ol aňçy adamdy.*

**AŇÇYLYK** [a:ňçylyk], *at.* Aňmak ukyby ösen halda bolmaklyk. Oňa aňçylyk hudaý tarapyn berlipdir.

**AŇ-DÜŞÜNJE** [a:ň-düşünjö], *at.* Aň we umumy ýa-da başlangyç sowat, bilim, gözýetim.

**AŇDYRMAK** [a:ňdyrmak], *işl.* Başga biri aňar ýaly etmek. *Gyza ony aňdyrmanka, Köp gijeler ýanyp köýdi* (R. Seýidow).

**AŇK I**, **aňk bolmak** birden haýran galmak, geň galmak, aňkarmak. *Berdi aga onuň edýän manyly-manyly gürrüňlerine aňk bolup galdy* (A. Durdyýew). **Aňk etmek** haýran galdyrmak, aňkartmak. *Onuň owazy adamlary aňk etdi.*

**AŇK II**, *at, haýwanat d.* Otlar, gurçuklar bilen iýmitlenýän gazlar maşgalasyndan bolan uly ala guş, gyzyl ördek.

**AŇKA, aňkaň aşmak** beden ýa ruhy taýdan ýeten zyýan zerarly huşuň gitmek, akylyň çaşmak; aljyramak. *Onuň hat öwrenmegi nirede, gaýtam, iş bilen aňkasy aşypdyr* (N. Saryhanow).

**AŇKABERMEK** [aňka:vermek], *işl.* Aňkap ugramak.

**AŇKAMA**, *iş ady.* Aňkamak ýagdaýy.

**AŇKAMAK**, *işl.* Gaty yslanmak, dymyljap porsamak, erbet ys ýaýramak, porsy ys bermek.

**AŇKAMAKLYK**, *iş ady.* Aňkamak ýagdaýy.

**AŇKAMAZLYK**, *iş ady.* Aňkap durmazlyk.

**AŇKARMA**, *iş ady.* Aňkarmak ýagdaýy.

**AŇKARMAK**, *işl.* Bir zady geň görüp aňk bolmak, agzyňy öweltmek.

**AŇKARMAKLYK**, *iş ady.* Aňkarmak ýagdaýy.

**AŇKARMAZLYK**, *iş ady.* Aňkaryp durmazlyk.

**AŇKARTMAK**, *işl.* Aňkarar ýaly etmek, aňkarmak katdyna ýetirmek. *Bu oýun ähli tomaşaçynam, öňde oturan synçylaram aňkartdy* ("Edebiýat we sungat").

**AŇKARYBERMEK** [aňkaryvermek], *işl.* Aňkaryp ugramak.

**AŇKARYLMAK**, *işl., ser.* **Aňkarmak**. *Aňkarylmaň-da, ugrubir ugraň yzyňyza!* (B. Kerbabaýew).

**AŇKARYLMAZLYK**, *iş ady.* Aňkarylyp durmazlyk.

**AŇKARYLYŞMAK** [aňkarlyşmak], *işl.* Birnäçe bolup aňkarylmak. *Gyzlar hem aňkarylyşyp durlar* ("Görogly").

**AŇKARYŞ**, *iş ady.* Aňkarmak ýagdaýy.

**AŇKARYŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup aňkarmak.

**AŇKA-TAŇKA: aňka-taňka bolmak** duýdansyz ýüze çykan hadysa, waka zerarly, birbada özüňi ýitirmek, aljyramak, äm-säm bolmak.

**AŇKATDYRMAK**, *işl.* Aňkap durar ýaly etdirmek.

**AŇKATMAK**, *işl.* Aňkap durar ýaly etmek, ýakymsyz ys ýaýratmak.

**AŇKAW** [a:ňkow], *syp.* Daş-töweregindäki zada aň etmezek, aňkasy aşan, düňle, üşüksiz.

**AŇKAWLYK** [a:ňkowluk], *at.* Aňkasy aşan halda bolmaklyk, düňlelik, üşüksizlik.

**AŇKAÝYŞ**, *iş ady.* Aňkamak ýagdaýy.

**AŇK-TAŇK, aňk-taňk bolmak** *ser.* **Aňka-taňka**. *Şol waka duýdansyz peýda bolup, örän çalasyn hem örän düşnükli geçeni üçin, adamlar bir hili aňk-taňk bolup galdy* (B. Kerbabaýew).

**AŇLADYBERMEK** [a:ňladyvermek], *işl.* Aňladyp başlamak.

**AŇLADYLMAK** [a:ňladylmak], *işl., ser.* **Aňlatmak**. *Pikirler söz arkaly aňladylýar.*

**AŇLADYŞ** [a:ňladyş], *iş ady.* Aňlatmak ýagdaýy.

**AŇLAMA** [a:ňlama], *iş ady.* Aňlamak ýagdaýy.

**AŇLAMAK** [a:ňlamak], *işl.* **1**. Bir zada akyl ýetirmek, düşünmek. *Sözüm aňlan ýok diýp ümsüm oturma, Jahan giňdir, çendan bilen-de bardyr* (Magtymguly). **2**. Aňmak, duýmak, aň etmek, syzmak. *Myhmanyň äheňinden onuň jaýlyja gelenini aňlady* (B. Seýtäkow). **3**. Çala görmek, zordan görmek, aňmak, aňşyrmak. *Ol ýoluny aňlap bilýändigine şükür edýärdi.*

**AŇLAMAKLYK** [a:ňlamaklyk], *iş ady.* Aňlamak ýagdaýy.

**AŇLAMAZLYK** [a:ňlamazlyk], *iş ady.* Aňlap bilmezlik.

**AŇLANMAK** [a:ňlanmak], *işl.* **1**. Bir zada akyl ýetirilmek, düşünilmek. **2**. Aňylmak, duýulmak, aň edilmek, syzylmak.

**AŇLANYLMAK** [a:ňlanylmak], *işl., ser.* **Aňlanmak**.

**AŇLAŞMAK** [a:ňlaşmak], *işl.* Bilelikde aňlamak, düşünişmek. *Seniň ugruňy bir aňlaşaýly* ("Görogly").

**AŇLATDYRMAK**, *işl.* Başga biri aňlar ýaly etmek.

**AŇLATMA** [a:ňlatma], **1**. *iş ady.* Aňlatmak ýagdaýy. **2**. *at, mat.* Şertli alamatlar, belgiler bilen aňladylýan hasap ululygy. **3**. *dil b.* Durnukly many aňladýan söz düzümi, söz utgaşmasy.

**AŇLATMAK** [a:ňlatmak], *işl.* **1**. Haýsydyr bir belgi, bellik bilen görkezmek, bellemek. *Näbelli sany iks bilen aňlatmak.* **2**. Duýdurmak, ýüze çykarmak, bildirmek.. *Aman poşşy özüniň razydygyny her deminde aňladardy* (A. Gowşudow).

**AŇLATMAKLYK** [a:ňlatmaklyk], *iş ady.* Aňlatmak ýagdaýy.

**AŇLAÝYŞ** [a:ňlaýyş], *iş ady.* Aňlamak ýagdaýy. *Ýolumy aňlaýşymyň ugry ýok.*

**AŇLY** [a:ňly], *syp.* Aňy bar bolan, düşünjeli; düşbi, ukyply. *Ata çykan aňly bolsa her ýerden, Akly känden kesen başy gerekdir* (Magtymguly).

**AŇLY-DÜŞÜNJELI** [a:ňly-düşünjölü], *syp.* Aňy hem düşünjesi ýeterlik; paýhasly, pähimli. *Aňly-düşünjeli adam. Aňly-düşünjeli hereket etmek.*

**AŇLYLYK** [a:ňlylyk], *at.* Aň ýetirijilik ukyby, pähim-paýhaslylyk, düşünjelilik, düşbülik. *Her bir işde aňlylyk zerurdyr.*

**AŇMA** [a:ňma], *iş ady.* Aňmak ýagdaýy.

**AŇMAK** [a:ňmak], *işl.* **1**. Bir zada paýhas etmek, düşünmek, akyl ýetirmek. **2**. Bir zady syzmak, duýmak, öňünden bilmek. *Jygaly beg agtygynyň howsala düşenini aňdy* ("Görogly"). **3**. Çala görmek, zordan görmek, aňlamak. *Ol zordan ýoluny aňýardy*.

**AŇMAKLYK** [a:ňmaklyk], *iş ady.* Aňmak ýagdaýy.

**AŇMAZLYK** [a:ňmazlyk], *iş ady.* Aňyp bilmezlik, aňyp durmazlyk.

**AŇŇAL**, *at.* Ak ekin ormakda, ýandak, ot ýatyrmakda ulanylýan oba hojalyk guraly, çalgy. *Han küýli bu şatyrdyny barlap göreýin diýip, eline aňňalyny aldy* (A. Durdyýew).

**AŇŇALAK, aňňalak gapmak** iki ýana hars urup, boş çykmak, edeniň puç bolmak, eliňe zat ilmän galmak.

**AŇŇAT**, *at.* Çägelik ýa-da gumluk meýdanda emele gelen tebigy depe, kese beýiklik. *Haýsy ýana ser salsaňam, aňňat gum depeleri ýatyrdy* ("Edebiýat we sungat").

**AŇŇATLYK**, *at.* Aňňatlaryň köp ýeri, belentli-pesli giden ýer, depelik. *Öňümizde aňňatlyk görünýärdi.*

**AŇŇY, aňňy diş** iki dişiň arasyndan gyşyk çykan diş.

**AŇŇYRAK**, *syp.* Köp aňňyrýan, yzyny üzmän aňňyryp duran (eşek hakynda). *Aňňyrak eşek.*

**AŇŇYRMA**, **1**. *iş ady.* Aňňyrmak ýagdaýy. *Eşekleriň aňňyrmasy.* **2**. *göç.m.* Biriniň üstüne gaty ses bilen gygyrma, heňkirme, dazarylma. *Meniň üstüme aňňyrmaň näme?*

**AŇŇYRMAK**, *işl.* **1**. Gaty gygyryp seslenmek (eşek hakynda). *Bir salymdan soň, eşek aňňyryp, tumşugyny diň göge tutup, kädini süýräp gidiberipdir* (Halk ertekisinden). **2**. *göç.m.* Biriniň üstüne gaty ses bilen gygyrmak, heňkirmek, dazarylmak.

**AŇŇYRMAKLYK**, *iş ady.* Aňňyrmaklyk ýagdaýy.

**AŇŇYRMAZLYK**, *iş ady.* Aňňyryp durmazlyk.

**AŇŇYRTMAK**, *işl.* Aňňyrmaga ýol bermek. *Ol eşegini aňňyrdyp geçip gitdi. Ony üstüňe aňňyrdyp durmasana.*

**AŇŇYRYŞ**, *iş ady.* Aňňyrmak ýagdaýy. *Ol eşegiň aňňyryşy nähili?!*

**AŇŇYRYŞMAK**, *işl.* Birnäçe eşek bile aňňyrmak. *Gije bir çene baransoň, eşekler aňňyryşyp, atlar kişňedi* (N. Pomma).

**AŇ-PAÝHAS** [a:ň-paýhas], *at.* Aň, paýhas, düşünje. *Aň-paýhas özgerse, durmuşam özgerer* ("Nesil").

**AŇRUJY** [aňru:jy], *hal.* Sähelçe, mümkin boldugyça, ýagdaýyna garap azda-kände. *Aňrujy başaryp bilseňiz, adamy ynjatmajak boluň, adamlar!* ("Edebiýat we sungat").

**AŇRY I,** *at.* **1**. Bir ýeriň, zadyň we ş.m. arka, ýeňse tarapy. *Tamyň aňyrsy*. **2**. Bir zadyň, ýeriň we ş.m. gutarýan çägi, aňry başy. *Bugdaý ekilen ýeriň aňyrsyna ýöräp ýeter ýaly däl.* **3**. Bir zadyň sanynyň iň soňy. *Meýdandaky goýunlary sanap, aňyrsyna çykar ýaly däl*. **4**. *göç.m.* Başga ýer(de), ol tarap(da). *Seniň bu diýýänleriň aňyrda bolan wakadyr.*

◊ **Aňry dur, bäri dur edişmezlik** sene-mene edişmezlik, sögüşmezlik, ajaşmazlyk. *Goňşym bilen ömrüme aňry dur, bäri dur edişen däldirin.* **Aňryň bäriňe gelmek 1.** ýüregiň bulanmak, gusjak, ögäp gaýtarjak bolmak; **2.** erbet gaharlanmak; **3.** bir bolmasy zady görüp, örän erbet ýagdaýa düşmek. **Aňyrsyna çykmak** doly gutarmak. *Bir gijede kitabyň aňyrsyna çykdy*. **Aňyrsyndan bärsi ýakyn** gaty garry, öler wagty ýakynlaşan.

**AŇRY II**, *at.* **1.** Bir zadyň düýp-teýkary, gelip çykyşy, asly. **2**. Ata-baba, ilen-çalan. *Aňyrsy-ha bihal adamlar bolmaly däldir.* **3**. Aşgazan, mäde. *Ýagly-ýüzlini aňrym alanok.*

◊ **Aňryňa il gonmak** nahar-şamdan doýmak, doýa nahar edinmek. **Aňyrsyna ýetmek** düýp sebäbini bilmek, bir zady çintgäp doly öwrenmek. *Her bir zadyň aňyrsyna ýetmän, adama baha berjek bolmaň*.

**AŇRYBAŞ** [aňryvaş], *syp.* Ýokary derejeli, ýokary hilli, örän gowy, juda gowy; barypýatan. *Agaç ekmek, kemally perzent ýetişdirmek, köpri gurmak, guýy gazmak – ine, ömür menzillerindäki iň aňrybaş parzlar şulardyr* ("Türkmenistan").

**AŇRY-BÄRI** [aňry-vä:ri], *at.* Ojuk-bujuk, oduk-buduk; paty-puty. *Maral eje bazardan aňry-bäri alyşdyryp, duralga tarap ýöredi.*

**AŇRYK** [aňry:k], *hal.* **1**. Aňry tarapa, bir ýerden aňyrlygyna, beýle ýüzüne, beýle tarapa. *Mal-garany dagdan aňryk geçirdik.* **2**. Beýläk, bu ýana.

**AŇRYK-BÄRIK** [aňry:k-bä:ri:k], *hal.* Aňyrlygyna-bärligine, eýläk-beýläk, öňin-yzyn, öňe-yza.

**AŇSAT** [aňsa:t], *syp.* Ýeňil, ýönekeý; kyn däl, kynçylyksyz, asan. *Bu işiň hötdesinden gelmek aňsat bolar öýtme!*

◊ **Aňsadyna bakmak** bir işi etmelisi ýaly etmän,ýeňil, ýöne göwnejaý bolmadyk usulyny, ýoluny saýlamak.

**AŇSATLADYLMAK** [aňsa:tladylmak], *işl.* Aňsat edilmek. *Ol aňsatladylan işi gowy görýär.*

**AŇSATLAMAK** [aňsa:tlamak], *işl.* Ýeňilleşmek, sadalaşmak, çylşyrymsyz bolmak, aňsat bolmak. *Indi işler aňsatlady.*

**AŇSATLAŞDYRMAK** [aňsa:tlaşdyrmak], *işl.* Öňküsinden aňsat bolar ýaly etmek, ýeňilleşdirmek, ýönekeýleşdirmek.

**AŇSATLAŞMAK** [aňsa:tlaşmak], *işl.* Dura-bara aňsatlamak, kem-kemden aňsat bolmak, çylşyrymlylygy aýrylyp başlamak. *Indi olaryň işi has-da aňsatlaşdy*.

**AŇSATLATMAK** [aňsa:tlatmak], *işl.* Aňsat etmek, aňsat bolar ýaly etmek.

**AŇSATLYK** [aňsa:tlyk], *at.* Bir işi amal etmekdäki ýeňillik, kynçylyksyzlyk, kyn dällik. *Olar ýyldyzlar boýunça aňsatlyk bilen ýol tapypdylar* ("Edebiýat we sungat").

**AŇSYZ** [a:ňsyz] **I**, *syp.* **1**. Akyl-paýhassyz, aň-düşünjesiz, huşy giden, oýlanyşyksyz. **2**. Entek hiç bir zada kän bir aňy ýetmeýän, akyly çatmaýan, gögele. *Çopan entek aňsyz güjüjek mahaly Alabaýyň gulak-guýrugyny kesipdi*.

**AŇSYZ** [a:ňsyz] **II**, *syp.* Örän uly, ägirt; uç-gyraksyz, aňyrsy-bärsi görünmeýän, giden bir ölçegsiz. *Öňümizde ýorunjaly aňsyz giňişlik ýaýlyp ýatyrdy*.

**AŇSYZLYK** [a:ňsyzlyk], *at.* Aňy ýokluk, huşsuzlyk, aň-düşünjesizlik, paýhassyzlyk, oýlanyşyksyzlyk. *Aňsyzlyk bilen hereket etmek.*

**AŇŞYRMA** [a:ňşyrma], *iş ady.* Aňşyrmak ýagdaýy.

**AŇŞYRMAK** [a:ňşyrmak], *işl.* **1**. Bir zady, meseläni bilmek, aňmak, duýmak; tanamak. **2**. Eşitmek, seljermek. *Men onuň sesini eşitsem-de, näme diýenini aňşyrmadym*. **3**. Saýgarmak, görmek. *Gije ody, gündiz tüssäni has uzaklardan aňşyrmak bolýar.*

**AŇŞYRMAKLYK** [a:ňşyrmaklyk], *iş ady.* Aňşyrmak ýagdaýy.

**AŇŞYRMAZLYK** [a:ňşyrmazlyk], *iş ady.* Aňşyryp bilmezlik.

**AŇŞYRYŞ** [a:ňşyryş], *iş ady.* Aňşyrmak ýagdaýy. *Ýolumy aňşyryşym gowy däl*.

**AŇ-TAŇ, aň-taň bolmak** *ser.* **Aňka-taňka**.

**AŇTALMAK**, *işl.* Biri ýa-da bir zat gözlenmek, yzarlanmak, biriniň yzyna düşülmek.

**AŇTAMA**, *iş ady.* Aňtamak ýagdaýy.

**AŇTAMAK**, *işl.* Birini, bir zady gözlemek, yzarlamak, amatyna salmak üçin yzyna düşmek, pursat aramak.

**AŇTAMAKLYK**, *iş ady.* Aňtamak ýagdaýy.

**AŇTAMAZLYK**, *iş ady*. Bir zady, birini aňtap durmazlyk.

**AŇTAÝYŞ**, *iş ady.* Aňtamak ýagdaýy.

**AŇTAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup aňtamak. *Olar birini aňtaşyp ýördüler.*

**AŇTATMAK** *işl.* Aňtamak işini başga birine etdirmek. *Ony hemme ýerden aňtatdylar, emma tapmadylar.*

**AŇTAW** [aňtow], *iş ady.* Aňtaýyş, gözleg, yzarlaýyş, ideg. *Aňtaw etmek.*

**AŇTAÝJY**, *at.* Birini, bir zady ele salmak üçin gözlege çykan adam, aňtap ýören adam.

**AŇYBERMEK** [a:ňyvermek], *işl.* Aňyp ugramak.

**AŇYJY** [a:ňyjy], *syp.* Aňlaýjy, aňçy, duýgur, syzgyr.

**AŇYJYLYK** [a:ňyjylyk], *at.* Aňlaýjylyk, aňçylyk, duýgurlyk, bilgirlik.

**AŇYRSY-BÄRSI** [aňyrsy-vä:rsi], *at.* **1**. Eýlesi-beýlesi, uç-gyragy, çägi. *Edilmeli işleriň aňyrsy-bärsi ýok*. **2**. Bir zadyň düýp-teýkary, änigi-şänigi. *Aňyrsyny-bärsini pikir edip, her bir tarapdan ölçerip gördüm*.

**AŇYŞ** [a:ňyş], *iş ady.* Aňmak ýagdaýy.

**AŇYŞYK** [a:ňyşyk], *at.* Üns, dykgat. *Biz-ä şoňa gaty bir aňyşygam etmändiris* ("Edebiýat we sungat").

**AŇÝÝET** [a:ňyýet], *at.* Jemgyýetçilik aňynyň dürli görnüşleri bolan syýasatda, hukukda, ahlakda, sungatda, dinde we ş.m. aňladylýan garaýyşlaryň, taglymatlaryň, düşünjeleriň ulgamy.

**AŇZAK**, *at.* Şatlama sowuk, gurak aýaz, şemally aýaz.

**AŇZAKLYK**, *at.* Çapgyn aýazlyk, aňzak howalylyk. *Beýle aňzaklykda mör-möjek ölmän galmaz.*

**AP**, "A" sesi bilen başlanýan sypatlaryň öňünden gelip, şol sözüň manysyny güýçlendirýän ownuk bölek. *Ap-aýdyň, ap-ak, ap-arkaýyn.*

**APA,** *at, ýerli g.* Aýal dogan, uýa. *Naçar apasyna syryn aýtmady, Arman galdy, bir hoşlaşyp gitmedi* (Andalyp).

**APADAŇLAMA**, *iş ady.* Apadaňlamak ýagdaýy.

**APADAŇLAMAK**, *işl.* Gopbamsy gadam urmak, ýöremek. *Ol goltugy garpyzly ýaly, apadaňlap çişip ýördi.*

**APADAŇLAÝYŞ**, *iş ady.* Apadaňlamak ýagdaýy.

**AP-AJY** [ap-a:jy], *syp.* Örän ajy.

**APALABERMEK** [a:pa:la:vermek], *işl.* Apalap ugramak; apalamagy dowam etdirmek.

**APALAMA** [a:pa:lama], *iş ady.* Apalamak ýagdaýy.

**APALAMAK** [a:pa:lamak], *işl.* Gaty gowy görüp söýmek, aýawly garamak, goramak.

**APALAŞMAK** [a:pa:laşmak], *işl.* Birnäçe bolup bile apalamak.

**APALATMAK** [a:pa:latmak], *işl.* Apalamak hereketini birine etdirmek; apalamaga ýol bermek.

**APALAÝYŞ** [a:pa:laýyş], *iş ady.* Apalamak ýagdaýy.

**APAŇ-APAŇ: apaň-apaň basmak** özüne göwnüýetijilik bilen gopbam gadam basmak, äwmezeklik bilen agras, haýal ädimlemek.

**AP-ARKAÝYN**, *syp.* Örän arkaýyn.

**APARMA**, *iş ady.* Aparmak ýagdaýy.

**APARMAK**, *işl., kön.s.* Alyp gitmek, äkitmek. *Geçme namart köprüsinden, goý aparsyn sil seni* (Atalar sözi). *Durnam, meniň arzym ol ýara apar* ("Saýatly – Hemra"). *Aklymny apardy, bes men neýlärem, hesreti janymda galdy gürjiniň* (Halk aýdymyndan).

**APARMAKLYK**, *iş ady.* Aparmak ýagdaýy.

**APARYŞ**, *iş ady.* Aparmak ýagdaýy.

**APAT** [a:pat], **1**. *at.* Tebigy bela, betbagtlyk, howp. **2**. *syp., şahyr.* Akylyňy haýran ediji; janalgyç.

**AP-AÝDYŇ** [ap-a:ýdyň], *syp.* Örän aýdyň. *Garaşsyzlygyň miwelerini watandaşlarymyz öz durmuşlarynda ap-aýdyň görüp başladylar.*

**AP-AÝRY**, *syp.* Üýtgeşikden gowy, örän aýratyn. *Ak bugdaý unundan bişirilen tamdyr çöreginiň tagamy ap-aýry bolýar.*

**APBASY** [apba:sy], *at.* **1**. *zergärç.* Keteni köýnegiň öňüne düzülýän, ýüzüne gyzyl çaýylan ýa-da sap kümüşden ýasalan ýasyja şaý-sep. **2**. Gymmaty bir manadyň bäşden bir bölegine barabar bolan demir pul birligi.

**APGYRT**, *at.* Aýakgabyň ýeňsesindäki gaty ýeri. *Çarygyň apgyrdy.*

◊ **Apgyrdy giden** ugry ýiten, aňkasy aşan (adam hakda).

**APPARAT** [apara:t], *at.* Enjam, mehanizm, gural. *Telefon apparaty*.

**APPARATURA** [aparatu:ra], *at*. Apparatlaryň jemi, sehiň, barlaghananyň enjamlary, abzallary.

**APREL** [apire:l], *at.* Milady senenamasy boýunça ýylyň dördünji aýy.

**AP-TAP** [a:p-ta:p]**: abyny-tabyny almak (bilmek)** *ser*. **Abyny-tabyny**. *Ol ýere seretmegiň abyny-tabyny alypdyr.*

**APYLA-SAPYLA** [a:pyla-sa:pyla], *gepl.d.* **apyla-sapyla sowulmak** haýsydyr bir howp, waka, bela sowlup geçmek.

**APY-TUPAN** [a:py-tupa:n], *at.* **1**. Tozanly ýa-da ýagynly uly ýel, harasat, tebigy bela, elhenç gaý. **2**. *göç.m.* Dawa-jenjel, gowga, goh.

**AR** [a:r], *at.* Birinde galan öç, haklaşylmaly, öwezine salynmaly namys. *Arym köýenden, imanym köýsün* (Nakyl).

◊ **Ar almak** birinden köýen aryňy ýerine salmak üçin hereket etmek.

**ARA** [a:ra], *at.* **1**. Iki zadyň, iki nokadyň, çägiň aralygy, ortasy. *Ara daş, ýürek ýakyn* (Nakyl). **2**. Wagt

taýdan bolan uzaklyk, wagt ülüşlerini birikdirýän möhlet, müddet. *Aradan on gün geçip-geçmänkä, gurluşyk işi başlandy* (B. Seýtäkow). **3**. Köpçüligiň jümmüşi, içi. *Ýaşlaryň arasynda düşündiriş işlerini alyp barmak*. **4**. *göç.m.* Barış-geliş, gatnaşyk. *Ýurt arasyny ýel bozar, adam arasyny dil bozar* (Nakyl).

◊ **Ara açmak 1)** bir ýerden daşlaşmak, uzaklaşmak. **2)** barış-gelşi kesmek, aragatnaşygy bes etmek. **Ara almak** köp bolup daşyna geçmek, köplemek. **Ara çöp atmak** biderek gürrüň aýdyp, arany bozmak; agzalalyk döretmek, tersleşdirmek. **Aradan çykmak** wepat bolmak, ölmek, ýogalmak. **Aradan gyl geçmezlik** ysnyşykly dost bolmak, ýakyn dostlukly gatnaşykda bolmak. **Ara düşmek 1)** iki adamyň gürrüňiniň ýa-da işiniň arasyny bölmek, goşulmak. *Gürrüň şu ýere ýetende, Tawus ara düşdi* (N. Baýramow). **2)** ýakalaşýanlary, uruşýanlary aralamak. **Arany açmak** *ser.* **Ara açmak. Arany aý dogan ýaly etmek** iki adamyň arasynda gümürtiklik goýmazlyk, aýdyňlaşdyrmak, bar zady anyk etmek. *Araň aý dogan ýaly bolandan soň, saňa başga näme gerek?* (A. Gowşudow). **Arany kesmek (üzmek)** aragatnaşygy bes etmek, barış-gelşi kesmek, dostlugy bozmak. **Arany sazlamak** oňat gatnaşygy ýola goýmak, dostlaşmak. **Ara şeýtan düşmek** sözüň azaşmak, tersleşmek. **Ara tow düşmek** bir sebäp bilen aragatnaşyk bozulyp, terslik başlanmak.

**ARABA** [arava], *at.* Ýaba, eşege goşulýan iki, dört tigirli ulag serişdesi. *Ýykyljak araba kyrk gün öňünden jygyldar* (Nakyl).

◊ **Arabaňy daşda sür** (**tigirle**)**!** öz işiň bilen bol, golaýymyza gelme, bize azar berme. **Arabasy jygyldaýar** işi gowy däl, iş ýagdaýy erbet. **Ýykyljak araba kyrk gün öňünden jygyldar** sowsuzlygyň boljagy öňünden duýlar.

**ARABAÇY** [aravaçy], *at.* **1**. *ser.* **Arabakeş**. *Uly ýabyň köprüsine baryp, arabaçy saklandy* (B. Seýtäkow). **2**. Araba ýasaýan ussa, araba ýasamak bilen meşgullanýan ussa.

**ARABAGLANYŞYK** [a:rava:ğlanşyk], *at* **1**. Iki we birnäçe zadyň arasynyň biri-birine baglanyşygy, baglylygy. **2**. Özara gatnaşyk.

**ARABAGLANYŞYKLY** [a:rava:ğlanşykly], *syp.* **1**. Biri-biri bilen, biri beýlekisi bilen bagly, baglanyşykly. *Arabaglanyşykly waka.* **2**. Gatnaşykly, gatnaşygy bar bolan. *Arabaglanyşykly taraplar.*

**ARABAKEŞ** [aravakeş], *at.* Araba sürýän adam, araba sürüji.

**ARABAKEŞLIK** [aravakeşlik], *at,* Araba sürmek bilen meşgullyk, araba sürmek käri. *Arabakeşlik etmek.*

**ARABEK** [aravek], *at, kön.s., zergärç.* Aýal maşgalalaryň burunlarynyň ýelpezegini deşip dakynýan halka görnüşli gyzyl, kümüş şaýy.

**ARABERMEK** [a:ra:vermek], *işl.* Arap başlamak.

**ARABOZAR** [a:rabozar], *syp.* Adamlaryň arasyndaky oňaýly gatnaşygy, barış-gelşi, dostlugy bozujy.

**ARABOZARLYK** [a:rabozarlyk], *at.* Arabozaryň häsiýeti, adamlaryň arasyndaky gatnaşygy, dostlugy bozujylyk. *Arabozarlyk etme.*

**ARABY** [aravy], *syp.* Arap tohumyndan bolan. *Araby goýun. Ol garry arabyny zer-zerewşan jul bilen eýer salyp mündi* (″Görogly″).

**ARAÇÄK** [a:raçä:k], *at.* Iki döwletiň arasyndaky çäk, serhet. *Döwlet araçägi. Araçäkden geçmek.* **2**. Iki zadyň sepgidi. *Durun iki paslyň araçäginde* (M. Seýidow). **3**. *göç.m.* Bir zadyň hetdi, soňy, çägi.

**ARAÇÄKÇI** [a:raçä:kçi], *at.* Serhet goşunlarynyň esgeri, serhetçi.

**ARAÇÄKDEŞ** [a:raçä:kdeş], *syp.* Biri-biri bilen serhetdeş, goňşy. *Araçäkdeş döwletler.*

**ARAÇY** [a:raçy], *at.* **1**. Ýakalaşýanlary, uruşýanlary aralaýjy, aralaýan adam; iki tarapy ylalaşdyryjy, barlyşdyrýan bitarap adam, maslahat beriji, geňeşdar, töwellaçy. *Araça taýak deger* (Nakyl). **2**. Taraplar arasynda gepleşikler geçirilende arada durup gatnaşýan şahs ýa-da gurama.

**ARAÇYLYK** [a:raçylyk], *at.* Araçy bolmaklyk, iki tarapy ylalaşdyryjylyk. *Araçylyk etmek.*

**ARADA** [a:rada], *hal.* Birnäçe wagt mundan ozal, esli wagt mundan öň, öňräk, baýak; ýaňy-ýakynda. *Arada aýlandym Tejen ýerlerne, Ýaşlyk ýyllarymyň geçen ýerlerne* (K. Gurbannepesow).

**ARAGATNAŞYK** [a:rağatnaşyk], *at.* **1**. Biri-biriň arasynda bolýan gatnaşyk, arabaglanyşyk, barış-geliş. **2**. Gatnaw, habarlaşyk. *Howa aragatnaşygy. Hat aragatnaşygy.*

**ARAGATNAŞYKÇY** [a:rağatnaşykçy], *at.* Aragatnaşyk işgäri.

**ARAGATNAŞYKLY** [a:rağatnaşykly], *syp.* **1**. Biri-biri bilen gatnaşykda bolan, gatnaşykly. **2**. Biri-biri bilen habarly, gatnawly, habarlaşykly.

**ARAGERBI** [a:rağervi], *at, zergärç.* Aýallaryň saçlyk, saçýüzi ýa-da saçmonjuk goşup, örüp, arka atýan saçlarynyň öňe düşüp durmazlygy üçin iki örümi birikdirýän, ýüzi gyzylly, hakyk, pöwrize ýaly gaşly “üzülmez” nagşy bilen bezelen gulply gyranlaryň ýa-da asyk üçburç, dörtburç, goçbuýnuz görnüşli owunjak kümüş şaýlaryň düzümi.

**ARAK,** *at.* Humarlandyryjy, serhoş ediji alkogolly içgi.

**ARAKÇY**, *at, ser.* **Arakhor**. *Sizler hem bir bölek beňňi, arakçy, Paç bermenem gelse, ýüz müň garakçy* (″Gül – Bilbil″).

**ARAKÇYN**, *at, kön.s.* Tahýa. *Barynyň boýdaşy ala arakçyn* (″Gül – Senuber″).

**ARAKESME** [a:rakesme], *at.* Işde, okuwda we ş.m. bellenilen wagtynda bolýan dynç alyş, dynç alynýan wagt. *Maňa bu täze mülkdarlaryň birnäçesi bilen arakesme mahaly gürleşmek miýesser etdi* ("Türkmenistan").

**ARAKHOR** [arakho:r], *at.* Arak içmegi söýýän, aragy köp içýän adam, arakkeş.

**ARAKHORLYK** [arakho:rluk], *at.* Serhoş ediji içgileri çendenaşa köp içmeklik, arakkeşlik.

**ARAKKEŞ**, *at, ser.* **Arakhor**. *Ýogsa, men gününi sypdyrman arak içip ýören arakkeşem, gözi zatdan doýmaz-dolmaz açgözem däldim* ("Watan").

**ARAKKEŞLIK**, *at, ser.* **Arakhorlyk**.

**ARAKSABYN** [araksa:vyn], *at.* El-ýüz ýuwulýan sabyn. *Hoşgeldi araksabyn gutusyny göterip daş çykdy* (A. Gowşudow).

**ARAKY** [a:raky], *syp.* Mundan esli wagt ozalky, birnäçe wagt mundan öňki, öňräkki, baýaky.

**ARALABERMEK** [a:rala:vermek], *işl.* Aralamaga başlamak; aralamagy dowam etdirmek.

**ARALAMA** [a:ralama], *iş ady.* Aralamak ýagdaýy.

**ARALAMAK** [a:ralamak], *işl.* **1**. Biri-biri bilen urşup duran adamlary ýa-da haýwanlary aýryşdyrmak. **2**. *gepl.d.* Birini goýup, beýlekisini almak; alalamak. **3**. Bir topar zadyň arasyndan aýlanyp, öwrülip geçmek; agtarmak, gözlemek. *Magtymguly ilden-ile aralar, Hijran tygy bilen bagryn paralar* (Magtymguly).

**ARALAMAKLYK** [a:ralamaklyk], *iş ady.* Aralamak ýagdaýy.

**ARALAMAZLYK** [a:ralamazlyk], *iş ady.* Aralap durmazlyk.

**ARALANMAK** [a:ralanmak], *işl.* **1**. Uruşýan, ýakalaşýan adamlaryň, garpyşýan haýwanlaryň aýryşdyrylmagy. **2**. Biri goýlup, beýlekisi alynmak; alalanmak. **3**. Bir topar zadyň arasyndan aýlanyp, öwrülip geçilmek.

**ARALAŞDYRMAK** [a:ralaşdyrmak] **I**, *işl.* Dawalaşýanlary, ýakalaşýanlary biri-birinden aýryşdyrmak.

**ARALAŞDYRMAK** [a:ralaşdyrmak] **II**, *işl.* Ýakynlaşdyrmak, bir ýere golaýlaşdyrmak, bir ýeriň ýakynyna eltmek. *Sürini oba aralaşdyrmak.*

**ARALAŞMAK** [a:ralaşmak], **I**, *işl.* Aralamaga kömek etmek.

**ARALAŞMAK** [a:ralaşmak] **II**, *işl.* **1**. Bir zadyň, ýeriň golaýyna barmak, ýakynlamak, golaýlaşmak, baryp ýetmek. *Garaňky gatlyşmazyndan öň oba aralaşmak gerekdi* (A. Gowşudow). **2**. *göç.m.* Geçmek, girmek, düşmek, başlanmak. *Olar gün öýleden agyp, çala salkynlyk aralaşandan soň, giň bir aýtymda pökgi oýnaýardylar.* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç.m.* Düýpli, jikme-jik öwrenmek. *Häzir türkmeniň taryhyna çuňňur aralaşmaga ýol açyldy.*

**ARALATDYRMAK** [a:ralatdyrmak], *işl.* **1**. *ser.* **Aralatmak**. **2**. Başga birine aralamaga mümkinçilik döretmek, ýol bermek.

**ARALATMAK** [a:ralatmak], *işl.* Aralamak işini başga birine etdirmek.

**ARALAÝYŞ** [a:ralaýyş], *iş ady.* Aralamak ýagdaýy.

**ARALMAK** [a:ralmak], *işl.* **1**. Köp zadyň içinden belli-bellisi saýlanmak, seljerilmek. **2**. Bir iş amala aşyrylanda, amaty, oňaýy gözlenmek, aňtalmak.

**ARALYK** [a:ralyk], *at.* **1**. Iki zadyň ortalygy, ikara. *Onuň telpeginiň etegi bilen maňlaýynyň aralygy örän gysby görünýärdi* (N. Pomma). **2**. Giňişlikde iki nokadyň arasyndaky uzaklyk, aradaşlyk. *Täze garaýollar uzak aralygy gysga wagtda geçmäge mümkinçilik berýär.* **3**. Wagt bölekleriniň arasyndaky möhlet, wagt ülşüniň ortasyndaky uzaklyk. *Sagat dört bilen bäşiň aralygy.*

**ARAM** [a:ram] **I**, *syp.* Aralyk, ne güýçli, ne pes, orta gürp, ortaça. *Aram sowuk.*

**ARAM** [a:ram] **II**, *at.* Ynjalyk, karar, rahatlyk. *Ýüregiň aram tapmak.*

**ARAMA** [a:rama], *iş ady.* Aramak ýagdaýy.

**ARAMAK** [a:ramak], *işl.* **1**. Köp zadyň içinden belli-bellisini saýlamak, seljermek. *Pökgen aga: – Tudy entek arap kesiň – diýip tabşyrdy* (A. Gowşudow). **2**. Bir maksady, işi amala aşyrmak üçin amatyny aňtamak, gözlemek, pursat agtarmak. *Buz üstünde tozan arama* (Halk ertekisinden). *Öz nejatymy garaýyn, il bähbidini araýyn* ("Görogly").

**ARAMAKLYK** [a:ramaklyk], *iş ady.* Aramak ýagdaýy.

**ARAM-ARAM** [a:ram-a:ram], *hal.* Mahal-mahal, wagt-wagt, käte-käte, käwagt. *Aram-aram şemal öwüsýärdi.*

**ARAMAZLYK** [a:ramazlyk], *iş ady.* Arap durmazlyk.

**ARAM-KARAR** [a:ram-kara:r], *ser.* **Aram II**. *Meniň aram-kararym ýok.*

**ARAM-TAKAT** [a:ram-ta:kat], *at.* Dyngy, dynçlyk; kanagat. *Aram-takat tapmak.*

**ARAN**, *at.* Gapana dakmak, guýa gaçan bedräni, gowany almak üçin ýüpüň ujuna daňylýan üç-dört dişli kiçijik labyr şekilli ilgençek. *Gapanyň arany bir gandymyň düýbüne jaýdar ilişipdir* (A. Gowşudow).

**ARAŇKYRLAMAK** [a:raňkyrlamak], *işl.* Armaga ýakynlamak.

**ARAP**, *at.* **1**. *ser.* **Araplar**. **2**. Oglana dakylýan at.

**ARAPÇA**, *hal.* Arap dilinde.

**ARAPLAR**, *at.* Günorta-Günbatar Aziýadaky we Demirgazyk Afrikadaky ýurtlarda ýaşaýan halklaryň iň bir uly topary we şol halkdan bolan adamlar.

**AR-AR: ar-ar etmek** biriniň üstüne arlap gygyrmak. *Üstüme ar-ar edip durarça kim bolupsyň!?*

**ARASSA**, *syp.* **1**. Tämiz, päkize, hapa, kir ýokmadyk. **2**. Dury, açyk. *Howa arassady*. **3**. Sap, goşantsyz, garnuwsyz. *Arassa ýag.* **4**. Çalgyrt däl, sap. *Ol biziň dilimizde arassa gepleýär.* **5**. *göç.m.* Ahlak taýdan päk, akýürekli; eli egri däl, il zadyna el garmaýan. *Arassa adam*.

**ARASSAÇYLYK**, *at.* Tämizlik, päkizelik, arassalyk.

**ARASSALABERMEK** [arassala:vermek], *işl.* Arassalap ugramak.

**ARASSALAMA**, *iş ady.* Arassalamak ýagdaýy.

**ARASSALAMAK**, *işl.* **1**. Bir zadyň kirini, hapasyny aýyrmak, arassa etmek. *Öýüň içini arassalamak.* **2**. Daşky gabygyny aýyrmak, daşyny soýmak, gerekmez ýerini artmak. **3**. Durlamak, saplamak, süzmek. *Süýdi çöp-çalamdan arassalamak.* **4**. *göç.m.* Haýsydyr bir ýeri, guramany, edarany we ş.m. döwletiň ýöredýän syýasatyna garşy adamlardan saplamak.

**ARASSALAMAKLYK**, *iş ady.* Arassalamak ýagdaýy.

**ARASSALAMAZLYK**, *iş ady.* Arassa etmezlik, arassalamak üçin hapasyny aýyrmazlyk.

**ARASSALANMAK**, *işl.* **1**. Bir zadyň kiri, hapasy aýrylmak, arassa edilmek **2**. Gabygy aýrylmak, daşy soýulmak. **3**. Durlanmak, saplanmak, süzülmek. **4**. Özüň üçin arassalamak. **5**. Öz bedeniňi, egin-eşigiňi ýuwup-ardyp arassalamak.

**ARASSALAŞMAK**, *işl.* **1**. Arassalamaga kömek etmek. **2**. Birnäçe bolup bile arassalamak. *Adamlar gazan ataryljak ýeri arassalaşyp ýördüler*.

**ARASSALATDYRMAK**, *işl., ser.* **Arassalatmak**.

**ARASSALATMAK**, *işl.* Arassalamak işini başga birine etdirmek; arassalamaga mümkinçilik bermek, ýol bermek. *Sogan arassalatmak. Daşaryny maňa arassaladaýsana.*

**ARASSALAÝJY**, *at.* Bir zady arassalamak bilen meşgullanýan, arassa ediji, tämizleýji. *...Suw arassalaýjy desgalar her bir obadyr säherde gurlup, halka hyzmat eder* (Gurbanguly Berdimuhamedow. ″Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr″).

**ARASSALAÝYŞ**, *iş ady.* Arassalamak ýagdaýy.

**ARASSALYK**, *at.* **1**. *ser.* **Arassaçylyk**. *Arassalyk saglygyň girewidir* (Şygar). **2**. Ahlak taýdan päklik. **3**. Öz hakyna kaýyllyk, dogruçyllyk. *Il emlägi bilen iş salyşýana arassalyk zerurdyr.*

**ARASSASYRABERMEK** [arassasyra:vermek], *işl.* Arassasyrap başlamak.

**ARASSASYRAMA**, *iş ady.* Arassasyramak ýagdaýy.

**ARASSASYRAMAK**, *işl.* Arassa bolan bolmak, özüňi arassa görkezjek bolmak.

**ARASSASYRAMAKLYK**, *iş ady.* Arassasyramak ýagdaýy.

**ARASSASYRAMAZLYK**, *iş ady.* Özüňi arassa görkezjek bolup durmazlyk.

**ARASSASYRAÝYŞ**, *iş ady.* Arassasyramak ýagdaýy.

**ARAŞMAK** [a:raşmak], *işl.* Birnäçe bolup, bilelikde aramak, gözlemek. *Dil birikdiren ýaly, baryňyz buz üstünde tozan araşyp dursuňyz?*

**ARATMAK** [a:ratmak], *işl.* Aramak hereketini başga birine etdirmek. *Men oňa her bir zatda buz üstünde tozan aradyp oturasym gelenok.*

**ARAÝYŞ** [a:raýyş], *iş ady.* Aramak ýagdaýy.

**ARBITRAŽ** [arbitra:ž], *at.* Eýeçiligiň görnüşine garamazdan, ýuridik şahslaryň arasyndaky jedelli meseleleri çözýän kazyýet.

**ARÇA**, *at.* **1**. Serwi maşgalasyndan bolup, ýylyň ähli paslynda gök öwsüp oturan agaç. **2**. Oglana dakylýan at.

**ARÇABERMEK** [arça:vermek], *işl.* Arçap başlamak; arçamagy dowam etdirmek.

**ARÇALMAK**, *işl.* Arçamak işi amal edilmek. *Ýap arçaldy.*

**ARÇAMA**, *iş ady.* Arçamak ýagdaýy.

**ARÇAMAK**, *işl.* **1**. Bir zadyň ýoluny, ugruny arassalamak, hapa-hupasyny aýyrmak, artmak, gyrçamak. **2**. *göç.m.* Bir zady taýyn etmek, bir işi amala aşyrmaga mümkinçilik döretmek. *Perzentlerine dogry ýol arçamak ata-enäniň borjudyr.* **3**. Ähem-ähem edip ardynjyramak. *Bokurdagyňy arçamak.*

**ARÇAMAKLYK**, *iş ady.* Arçamak ýagdaýy.

**ARÇAMAZLYK**, *iş ady.* Arçamak işini etmezlik.

**ARÇAŞDYRMAK**, *işl.* Bir ýanyndan arçap çykmak, yzly-yzyna arçamak, hemmesini arçamak.

**ARÇAŞMAK**, *işl.* **1**. Arçamaga kömekleşmek. *Men goňşymyň ýabyny arçaşdym.* **2**. Bilelikde arçamak. *Olar uly ýaby arçaşyp ýördi.*

**ARÇATDYRMAK**, *işl., ser.* **Arçatmak**.

**ARÇATMAK**, *işl.* Arçamak işini başga birine etdirmek; arçamaga mejbur etmek; arçamaga ýol bermek, mümkinçilik döretmek. *Mirap ýene ýaby arçatdy.*

**ARÇAÝYŞ**, *iş ady.* Arçamak ýagdaýy.

**ARÇYN I**, *at.* **1**. Obalylaryň wekilleri tarapyndan saýlanýan oba häkimi. *Oba arçyny. Arçyn saýlamak.* **2**. Daýhan birleşiginiň hem-de obanyň ýerli häkimi.

**ARÇYN II**, *at.* **1**. 0,71 metre deň bolan gadymy uzynlyk ölçegi. **2**. Şol ölçegdäki ölçeg guraly. *Demirden edilen arçyn.*

**ARÇYNLAMAK**, *işl.* Arçyn bilen ölçemek. *Matany arçynlap ölçemek.*

**ARÇYNLAŞMAK**, *işl.* Bir mesele bilen ýa-da dawa açmak maksady bilen arçynyň ýanyna barmak, arçynyň kömegi bilen açylyşmak.

**ARÇYNLYK**, *at.* **1**. Arçynyň wezipesi. **2**. Arçyna degişli bolan häkimligiň çägi.

**ARDANA** [a:rdana], *syp.* **1**. Köşeksiz, gölesiz sagdyrýan (düýe, sygyr hakynda). **2**. Tagamy üýtgäp ugran (süýt hakynda). *Sygryň süýdi ardana bolupdyr.*

**ARDURJA** [ardurjo], *hal.* Nähak, nähak ýere, armanly.

**ARDYLMAK**, *işl.* **1**. Arassa edilmek. **2**. Daşynyň gabygy aýrylyp (köplenç kesilip) arassalanmak. *Palawa atyljak käşirler derrew ardylyp bolundy.*

**ARDYNJYRABERMEK** [ardynjyra:vermek], *işl.* Ardynjyrap ugramak; ardynjyramagy yzly-yzyna gaýtalamak.

**ARDYNJYRAMA**, *iş ady.* Ardynjyramak ýagdaýy. *Teblehananyň daşarsyndan Sary aganyň ardynjyramasy eşidildi* (O. Ödäýew).

**ARDYNJYRAMAK**, *işl.* Çalarak ardynmak, bogazyňy arçamak, duýduryş üçin üsgürinjiremek.

**ARDYNJYRAMAKLYK**, *iş ady.* Ardynjyramak ýagdaýy.

**ARDYNJYRAMAZLYK**, *iş ady.* Ardynjyrap durmazlyk.

**ARDYNJYRAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup bilelikde ardynjyramak.

**ARDYNJYRATMAK**, *işl.* Ardynjyramaga ýol bermek, mümkinçilik bermek.

**ARDYNJYRAÝYŞ**, *iş ady.* Ardynjyramak ýagdaýy.

**ARDYNMAK I**, *işl., ser.* **Ardynjyramak**. *Ol ardynyp, gapyny açdy.*

**ARDYNMAK II,** *işl.* Özüň üçin artmak. *Ol iýjek hyýaryny ardyndy.*

**ARDYNMAKLYK** [ardynmaklyk], *iş ady*, *ser*. **Ardynjyramaklyk**.

**ARDYNMAZLYK** [ardynmazlyk], *iş ady*., *ser*. **Ardynjyramazlyk**.

**ARDYRMAK** [a:rdyrmak], *işl.* Armak, ýadamak katdyna ýetirmek. *Ýoluň uzaklygy kerweni ardyrdy.*

**ARDYŞ**, *iş ady.* Artmak ýagdaýy.

**ARFA** [a:rfa], *at.*Ýaý şekilli, kirişli gadymy saz guraly.

**ARGAÇ** [arğaç]**,** *at.* Mata, dokma dokalanda erşiň içinden geçirilýän ýüp, ýüplük. *Çep eli bilen dokmany basyp, argajyny geçirdi* (B. Kerbabaýew).

**ARGAÇLYK** [arğaşlyk] , *syp.* Argaç etmek üçin taýynlanan, argaja ýararly (ýüp, ýüplük hakynda). *Argaçlyk ýüpi naýça sarady.*

**ARGALY** [arğaly], *at, haýwanat d.* Ýabany goýun. *Argaly, gäw bolar maly Gürgeniň* (Magtymguly).

**ARGAMAK I** [arğamak]**,** *at, haýwanat d.* Tohum at. *Toý tutalyň, görenlere göz edip, Argamakny meýdan üzre uzadyp* (Mollanepes).

**ARGAMAK II** [arğamak]**,** *işl., gepl.d.* Könelmek. *Argyşçuwal argapdyr, ýüzüne suwlar dargapdyr* (Halk döredijiliginden).

**ARGENTINALY** [arğenti:naly], *ser.* **Argentinalylar**.

**ARGENTINALYLAR** [arğenti:nalylar], *at.* Argentinanyň ilaty, ýaşaýjylary.

**ARGUWAN** [arğuwa:n], *at, ösüml.d.* Owadan, açyk gyzyl gülli agaç. *Anyň arguwanly serhowzy bar erdi* (Şabende). *Täze arguwanlar, gyrmyzy güller* ("Gül-Senuber"). *Uzyn, uzyn arguwan, Dogan, boýuňa gurban* (Halk döredijiliginden).

**ARGYN** [a:rğyn], *syp.* Köp zähmet çekip aran, halys bolan, ýadaw, surnugan, ysgynsyz.

**ARGYNÇYLYK** [a:rğynçylyk], *at, ser.* **Argynlyk**.

**ARGYNLYK** [a:rğynlyk], *at.* Zähmet, akyl zähmeti we ş.m. netijesinde döreýän ýadawlyk, wagtlaýyn ýadaw halda bolmaklyk. *Birneme ymyzgandym, argynlygym aýrylan ýaly bolaýdy.*

**ARGYŞ** [arğyş], *at.* Öňki wagtlarda uzak ýollara gidilip, haryt alyş-çalşyna esaslanyp edilýän azyk, däne söwdasy. *Gyş azygyny edineýin diýip, bir-iki ganar ýüň, bir-iki ganar kömür bilen Arkaja argyşa gitdim* (N. Saryhanow).

**ARGYŞÇUWAL** [arğyşşuwol], *at.* Iki gapdaly köşeli, uzyn bagly, içine galla guýmak üçin niýetlenen çuwal. *Argyşçuwal argapdyr* (Halk döredijiliginden).

**ARGYŞÇY** [arğyşşy], *at.* Argyşa gidýän adam, argyşa gidip, azyk we ş.m. söwdasyny edýän adam. *Şol kerwen düýe kerweni argyşçy kerweni bolman, kömek kerweni, toý kerwenidi* (B. Kerbabaýew).

**ARGYŞLAMA** [arğyşlama], *iş ady.* Argyşlamak ýagdaýy.

**ARGYŞLAMAK** [arğyşlamak], *işl.* Argyş etmek; argyşa gidip, däne getirmek.

**ARGYŞLAMAKLYK** [arğyşlamaklyk], *iş ady.* Argyşlamak ýagdaýy.

**ARGYŞLAÝYŞ** [arğyşlaýyş], *iş ady.* Argyşlamak ýagdaýy.

**ARHEOLOG** [arhiýo:lok], *at*. Arheologiýa boýunça hünärmen, arheologiýadan hünärmen.

**ARHEOLOGIK** [arhiýolo:ğik], *syp*. Arheologiýa degişli, arheologiýa bilen baglanyşykly. *Arheologik tapyndy. Arheologik gazuw-agtaryş işleri. Arheologik ýadygärlik.*

**ARHEOLOGIÝA** [arhiýalo:ğiýa], *at*. Saklanyp galan gadymy ýadygärliklere, medeni ojaklara esaslanyp, irki halklaryň durmuşyny, ýaşaýyşlaryny adamzat jemgyýetiniň taryhy geçmişini gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde öwrenýän ylym.

**ARHIPELAG** [arhipela:k], *at*, *geogr*. Biri-birine golaý ýerleşýän we adatça bir bitewi zat hökmünde garalýan köp sanly adalaryň jemi ýa-da olaryň topary, adalyk ýer.

**ARHIW** [arhi:w], *at.* **1**. Geçmişiň ýazuw we çyzgy ýadygärliklerini saklamak, olary belli bir ulgama salmak

we ýazgy geçirmek bilen meşgullanýan edara. *Döwlet arhiwi*. **2**. Edaranyň köne resminamalar, gutarylan işler saklanýan bölümi. **3**. Bir edaranyň ýa-da adamyň hatlarynyň, golýazmalarynyň, suratlarynyň ýygyndysy. *Ýazyjynyň arhiwi.*

**ARHITEKTOR** [arhite:ktor], *at.* Arhitektura ugrundan hünärmen, binagär. *Şäheriň baş arhitektory.*

**ARHITEKTURA** [arhitektu:ra], *at.* Gurluşyk sungaty, jaýlaryň, her hili desgalaryň taslamasyny çyzmak we gurmak sungaty, binagärlik.

**ARHIWÇI** [arhi:vçi], *at.* Arhiw işleri boýunça hünärmen.

**ARHIWŞYNAS** [arhi:vşyna:s], *at, ser.* **Arhiwçi.**

**ARIFMETIKA** [arifme:tika], *at.* **1**. Matematikanyň sanlaryň ýönekeýje, sada häsiýetleri bilen, ilkinji nobatda bitin we drob sanlary, şeýle-de dört amaly – goşmagy, aýyrmagy, köpeltmegi hem-de bölmegi öwrenýän bölümi. **2**. Okuw dersi, sapagy.

**ARJAŇ** [a:rjaň], *syp.* Arly-namysly, ary-namysy bilýän. *Arjaň adam.*

**ARJAŇLYK** [a:rjaňlyk], *at.* Ar-namyslylyk, ar-namysy bilijilik.

**ARJAŇRAK** [a:rjaňyra:k], *syp.* Belli derejede arjaň bolan.

**ARKA I,** *at.* **1**. Göwräniň iki eginden guşaklyga çenli bolan syrtky bölegi, ýagyrny. **2**. Bir zadyň ýüzüniň ters tarapy, ýeňsesi, yzy. *Arka tarap*. **3**. *göç.m.* Goldaw, hemaýat, goltgy beriji. *Dagdan arkasy bolanyň, daşdan ýüregi bolar* (Nakyl). **4**. Bir adam arkasyna alarlyk ýük. *Bir arka ot. Bir arka odun.* **5**. Bir zadyň ýüzi däl-de, beýleki tarapy. *Pyçagyň arkasy.*

◊ **Arka atmak 1)** belli bir ýaşy ýaşamak, başdan geçirmek. **2)** bir zatdan dynmak. *Okuwyň üç ýylyny arka atdym.* **3)** owarram etmek, näme bolsa, şol bolsun etmek. **Arka dag** daýanç, arkadaýanç. **Arka durmak (çykmak)** hossar bolup öňe çykmak, goldaw beriji bolmak. **Arkasy barlyk** ýeke dällik, goldawy barlyk, hossarlylyk. **Arkasyna ýel çalmak** birneme asudalyk aralaşmak, aladadan dynmak. **Arkasyny almak** zerurlyk bolan ýagdaýynda biriniň tarapynda durup, her ugurdan goldamak. **Arkasyny tutmak (çalmak)** *ser.* **Arkasyny almak**. **Arkasy ýere degmedik** hiç-haçan göreşde ýeňilmedik, ýykylmadyk (pälwan). **Arka tutunmak** kimdir birine daýanmak, biriniň goldawyna, hemaýatyna bil baglamak.

**ARKA II**, *at.* Nesil aýlanyşygynda her bir nesil, pyşt. *Agyr tebigy şertlerde ýaşan türkmeniň asyrlary köpri edinip, nesilden nesle, arkadan arka dowam eden göreşleriniň iň ulusy ýaşaýşyň gözbaşy suw ugrundaky göreşidir* ("Nesil").

◊ **Arka aýlanmak** nesilden-nesle geçmek; köp wagt geçmek. *Ondan bäri ençeme arka aýlanypdy*.

**ARKABA-ARKA** [arkava-arka], *hal.* Nesilden-nesle, nesilme-nesil, bir arkadan ikinji arka, arkama-arka.

**ARKADAG** [arkada:ğ], *at.* Arka dagy, her bir ýagdaýda goldaw berip durýan ýakyn hossar, arkadaýanç, daýanç.

**ARKADAŞ**, *at.* Dogan-garyndaş.

**ARKADAÝANÇ**, *at.* Esasy daýanylýan adam, goldaw, hemaýat beriji.

**ARKALABERMEK** [arkala:vermek], *işl.* Aty arkalap başlamak.

**ARKALAMA I**, *iş ady.* Arkalamak ýagdaýy.

**ARKALAMA II**, *iş ady.* Arkalamak ýagdaýy.

**ARKALAMAK I**, *işl.* Arka götermek, arka almak, arka bilen çekmek. *Ol oduny berk çykap, arkalap çekýärdi.*

**ARKALAMAK II**, *işl.* Ata eýer, eşege gaňňa salmak üçin üstüne jul, keçe atmak. *Gün batansoň, ýorganyň ot-iýmini berip, päkize bejerip, arkalap goýgun diýdi* ("Nejep oglan").

**ARKALAMAKLYK**, *iş ady.* Arkalamak ýagdaýy.

**ARKALANMAK I,** *işl.* Biriniň hemaýatyna, goldawyna daýanmak, birine bil baglamak. *Ýigit agalaryna arkalanyp, hemişe batyrgaý hereket ederdi.*

**ARKALANMAK II**, *işl.* Arkasyna jul, keçe atylmak (at, eşek hakynda). *Eýerleri aýrylan atlar arkalanypdy.*

**ARKALANMAKLYK**, *iş ady.* Arkalanmak ýagdaýy. *Ol kime arkalanýarka?*

**ARKALANMAZLYK**, *iş ady.* Biriniň goldawyna daýanmazlyk.

**ARKALAŞMA**, *iş ady.* Arkalaşmak ýagdaýy.

**ARKALAŞMAK I,** *işl.* Biri-biriňe goldaw bermek. *Ýoldaşyň bilen arkalaşyp işlemek*.

**ARKALAŞMAK II,** *işl.* Aty arkalamaga kömekleşmek.

**ARKALAŞMAKLYK**, *iş ady.* Arkalaşmak ýagdaýy.

**ARKALAŞMAZLYK**, *iş ady.* Arkalaşyk etmezlik.

**ARKALAŞYBERMEK** [arkalaşyvermek], *işl.* Arkalaşmaga başlamak; arkalaşmagy dowam etdirmek.

**ARKALAŞYK**, *at.* **1**. Biri-biriňe özara edilýän garaşyk, goldaw, hemaýat. **2**. Birleşik, bileleşik.

**ARKALAŞYKLY**, *syp.* Biri-biriň bilen ylalaşykly, biri-biriňe garaşykly, özara hemaýatly, biri-birini goldaýan. *Arkalaşykly adamlar. Arkalaşykly bolmak*.

**ARKALAŞYŞ**, *iş ady.* Arkalaşmak ýagdaýy.

**ARKALY**, *syp.* **1**. Giň sagryly, arkasy uly (mal hakynda). **2**. Üsti rahat, üsti ýumşak (ulag hakynda). **3**. "Kömegi bilen, üsti bilen" diýen manylarda gelýän

kömekçi söz. **4**. *göç.m.* Goldaw berýäni, arka durýany bar bolan, hossarly. *Arkaly köpek gurt alar* (Nakyl). *Arkaly goç ýigit tutsa her işi, Dagy talhan edip, suw eder daşy* (Seýdi). **5**. *göç.m.* Geçirimli, giň göwrümli, parasatly, dar däl. *Ol arkaly adam*.

**ARKALYK**, *at.* Arabanyň ulaga tirkelýän ýerindäki gaýyş, zynjyr ýaly berk zatlardan edilen bag.

**ARKALYLYK**, *at*. **1**. Arkaň barlyk, arkaly bolmaklyk (adamyň asly, nesli bilen bagly ýagdaýlarda). **2**. Her bir iş salyşýan adamy bilen oňşuk etmäge çalyşýan, gerekli ýagdaýlarda günäsini geçirip bilýän adam bolmaklyk.

**ARKALYRAK** [arkalyra:k], *syp.* Başgalardan, öňküsinden az-kem arkaly, geçirimliräk.

**ARKAMA-ARKA**, *hal, ser.* **Arkaba-arka**.

**ARKAN**, *at.* Süýümden işilen ýogyn ýüp, urgan, kement. *Bermese boýnuna gyl arkan salar* (Magtymguly).

**ARKAN** [arka:n], *hal.* **1**. Arka tarapyna, arkasyna, arkanlygyna. *Ol arkan düşüp ýatyrdy*. **2**. Tersin, arka tarapa, yzyna. *Oturgyjyň söýgedi arkan ýazylyp gitdi*.

◊ **Arkan gaýyşmak** öz eňegiňe tutmak, öz diýeniňi gögertjek bolmak, kesirlik etmek.

**ARKAN-ARKAN** [arka:n-arka:n], *hal*. Gaýta-gaýta arkanlygyna, arka tarapa, yza (edilýän hereket hakynda). *Şol barmana-da ýüzüne ýalyn çabyrap barýan dek elini daldalap, arkan-arkan çekilýär* (R. Gelenow).

◊ **Arkan-arkan gaýyşmak** gaýta-gaýta arkan gaýyşmak; öz eňegiňe tutmak, öz diýeniňi gögertjek bolmak, bir zat diýseň, garşyňa gitmek.

**ARKANJAKLAMA** [arka:njaklama], *iş ady.* Arkanjaklamak ýagdaýy.

**ARKANJAKLAMAK** [arka:njaklamak], *işl.* Arkan çekilmek, yza tesmek, götinjeklemek, arkanlamak.

**ARKANJAKLAŞMAK** [arka:njaklaşmak], *işl.* Bilelikde arkanjaklamak.

**ARKANJAKLATMAK** [arka:njaklatmak], *işl.* Arkanjaklamak derejesine ýetirmek.

**ARKANJAKLAÝYŞ** [arka:njaklaýyş], *iş ady.* Arkanjaklamak ýagdaýy.

**ARKANLAMA**, *iş ady.* Arkanlamak ýagdaýy.

**ARKANLAMA** [arka:nlama], *iş ady.* Arkanlamak ýagdaýy.

**ARKANLAMAK**, *işl.* Arkan, ýüp bilen tutmak, arkan salmak, arkan, ýüp bilen baglamak. *Gulany arkanlap tutdular*.

**ARKANLAMAK** [arka:nlamak], *işl.,ser.* **Arkanjaklamak**.

**ARKANLAMAZLYK**, *iş ady.* Arkan, ýüp urmazlyk, arkan salmazlyk.

**ARKANLAMAZLYK** [arka:nlamazlyk], *iş ady.* Arkan çekilmezlik, tesmezlik.

**ARKANLATMAK**, *işl.* Arkanlama işini başga birine etdirmek.

**ARKANLAÝYŞ**, *iş ady.* Arkanlamak ýagdaýy.

**ARKANLYGYNA** [arka:nlyğna], *hal.* Arka tarapa, yza, arkan. *Öz-özlerinden dowul tapyp, arkanlygyna serpdiler* ("Görogly").

**ARKAN-ÝÜZIN** [arka:n-ýüzüýn], *hal.* Öňin-yzyn, arkanlygyna we ýüzinligine; eglip hem gaýşarylyp.

◊ **Arkan-ýüzin dönmek 1)** ýaýnap gezmek. **2)** bolmajysy bolup ýörmek. **Arkan-ýüzin gaýdyp gülüşmek** hezil edip gülüşmek.

**ARKASYNDAN** [arkasynnan], *hal.* **1**. Biriniň kömegi bilen, biriniň üsti bilen, goldawy arkaly. *Gurt arkasyndan guş doýmuş* (Nakyl). **2**. Özüne duýdurman, gizlin, özünden bihabar. *Onuň özünem habardar etmeli ekeniňiz, arkasyndan bir iş edip bolmaz ahyry*.

**ARKASYZ**, *syp.* **1**. Sagrysy giň bolmadyk; üsti rahat bolmadyk. *Arkasyz ýaby.* **2**. *göç.m.* Arkasy bolmadyk, goldaw berýäni ýok, hemaýatçysyz, hossarsyz.

**ARKASYZLYK**, *at.* **1**. Sagrysy ýokluk, üsti rahat dällik. **2**. *göç.m.* Arkaň ýokluk, goldawsyzlyk, hemaýatçysyzlyk, hossarsyzlyk, tarapyňy tutýan bolmazlyk. *Indi arkasyzlykdan zeýrenme.*

**ARKAÝYN**, *syp.* **1**. Rahat, asuda, ünjüsiz, howatyrsyz, ynjalykly. *Men ony arkaýyn etdim* (N. Saryhanow) **2**. Kynçylyksyz, gyssag görmän, kynçylyk çekmän. *Şeýle-de bolsa, olar galmagalsyz örän arkaýyn gürleýärler* (N. Pomma).

**ARKAÝYNÇYLYK**, *at, ser.* **Arkaýynlyk**. *Men ol hakda arkaýynçylykda gürrüň bererin*.

◊ **Arkaýynçylyga (salmak) salmazlyk** arkaýynlyk (etmek) etmezlik, arkaýyn (bolmak) bolmazlyk.

**ARKAÝYNLABERMEK** [arkaýynla:vermek], *işl.* Arkaýyn bolup başlamak.

**ARKAÝYNLAMA**, *iş ady.* Arkaýynlamak ýagdaýy.

**ARKAÝYNLAMAK**, *işl.* Arkaýyn bolmak.

**ARKAÝYNLAMAKLYK**, *iş ady.* Arkaýynlamak ýagdaýy.

**ARKAÝYNLAMAZLYK**, *iş ady., ser.* **Arkaýynlanmazlyk**.

**ARKAÝYNLANMAK**, *işl.* **1**. Arkaýyn bolmak, ynjalmak. *Ol gyzynyň gelendigini eşidip, gaty arkaýynlandy.* **2**. Birine bil baglamak, ynanmak. *Dost, saňa arkaýynlanyp gelendirin*.

**ARKAÝYNLANMAZLYK**, *iş ady.* Arkaýyn bolmazlyk.

**ARKAÝYNLANYBERMEK** [arkaýynlanyvermek], *işl.* Arkaýynlanyp başlamak.

**ARKAÝYNLAŞMAK**, *işl.* Kem-kemden arkaýynlanmak, arkaýyn bolmak. *Ol indi birneme arkaýynlaşdy*.

**ARKAÝYNLYK**, *at.* Alada-ünjüsizlik, rahatlyk, asudalyk, dynçlyk, ynjalyklylyk. *Malyňy gaty gyssama-da, arkaýynlyk bilen sür!* ("Görogly").

**ARKAÝYNSYRAMAK**, *işl.* Arkaýyn bolan bolmak, özüni arkaýyn görkezjek bolmak.

**ARKAÝYNLAÝYŞ**, *iş ady.* Arkaýynlamak ýagdaýy.

**ARKYNDYK** [arkynnyk], *at.* Kir sabyny ýa-da araksabyn ulanylandan soň galýan ýuka bölek, galyndy.

**ARLABERMEK** [arla:vermek], *işl.* Arlap ugramak; arlamagyny dowam etmek.

**ARLAMA**, *iş ady.* Arlamak ýagdaýy.

**ARLAMAK**, *işl.* **1**. Arryldyly seslenmek, iniňi düýrükdiriji ses çykarmak. *Ýolbars aýylganç arlady*. **2**. *göç.m.* Tarlamak, tar-tar etmek (traktor hakda). **3**. *göç.m.* Batyrsyrap güplemek, ýerliksiz çişmek, haýbatly öwünmek. *Namart aş üstünde arlar* (Nakyl).

**ARLAMAKLYK**, *işl.* Arlamak ýagdaýy.

**ARLAMAZLYK**, *iş ady.* Arryldyly ses çykarmazlyk.

**ARLAŞMAK**, *işl.* Birnäçe ýolbars we ş.m. bolup arlamak. *Gözenegiň aňyrsyndaky ýolbarslar arlaşyp başlady.*

**ARLATMAK**, *işl.* Arlamaga mümkinçilik döretmek, arlamaga mejbur etmek.

**ARLAÝYŞ**, *iş ady.* Arlamak ýagdaýy.

**ARLY**, *syp.* Ýyl, tomus, gyş ýaly wagt aňladýan sözleriň öňünden gelip, "bütin, boýy, başyndan aýagyna" diýen manylary aňladýan söz. *Arly ýyl der döküp kemala getirilen bol hasylly meýdanlarda siziň bilen duşuşan daýhanlarymyzyň güýjüne güýç goşuldy* ("Türkmenistan").

**ARLY** [a:rly], *syp.* Öji, ary galan, öçli. *Namysly, gaýratly, arly goç ýigit, Söweş güni gurban eder başyny* (Magtymguly).

**ARLYK**, *at.* Bäbek gundalanda arassaçylyk üçin içinden goýulýan bölek mata.

**ARMA** [a:rma], **1**. *iş ady.* Armak ýagdaýy. **2**. *ser.* **Armaweri**.

◊ **Armasyny ýetirmek** iş üstündäki adama "Armaweri!" diýip, ruhy taýdan hemaýat bermek, halyny soramak. *Indi birnäçe ýylyň içidir, orak möwsüminde gallaçylaryň armasyny ýetirip gaýtmak meniň üçin adaty endige öwrülipdir* ("Watan").

**ARMAÇY** [a:rmaçy], *at.* Işläp duran adama ˛Arma!˛ diýip ýüzlenýän adam.

**ARMAK** [a:rmak], *işl.* Köp işläp ýadamak, işläp ysgyndan düşmek, halys bolmak; ýorulmak. *Aryp ýadan bolsaň, men seni süýrege alaýyn* ("Görogly"). *Aryp gelen myhmandyr, alty aýda-da gitmez* (Halk ertekisinden).

**ARMAKLYK** [a:rmaklyk], *iş ady.* Armak ýagdaýy.

**ARMAN** [arma:n] **I,** *at.* **1**. Ýetilmedik maksat, durmuşa geçmedik arzuw. *Onuň bile durmuş gurup bilse, başga armany ýokdy.* **2**. Puşman, bir zat üçin edilýän ökünç, ahmyr. *Meň bilen sürseň döwran, Janyňda galmaz arman* (Küştdepdi). **3**. Oglana dakylýan at.

**ARMAN** [arma:n] **II,** Şowsuzlyk hakynda ulanylyp, ökünmegi, gynanmagy aňladýan ümlük. *Arman, ata-babalarymyz bu güni görüp bilmediler.*

**ARMAN** [arma:n] **III,** *at.* Üçburçluga meňzeş nagyş.

**ARMAN-IRMÄN** [a:rma:n-i:rmä:n], *hal*, *ser.* **Arman-ýadaman**. *Arman-irmän işläliň!*

**ARMANLY** [arma:nly], *syp.* Armany galan, maksady hasyl bolmadyk, niýetine ýetmedik, ahmyrly, ökünçli. *Armanly ýaşamak. Armanly bolmak.*

◊ **Armanly gitmek** maksadyňa ýetip bilmän, ahmyrly, armanly ölmek.

**ARMANLYLYK** [arma:nlylyk], *at.* Armanly bolmaklyk, armany galmaklyk, ahmyrlylyk, ökünçlilik, maksadyň hasyl bolmazlyk, maksadyňa ýetip bilmän galmaklyk.

**ARMANLYRAK** [arma:nlyra:k], *syp.* Azda-kände armanly.

**ARMANSYZ** [arma:nsyz], *syp.* Armany galmadyk, ahmyrsyz. *Ömrüni armansyz geçiren adam.*

**ARMANSYZLYK** [arma:nsyzlyk], *at.* Armany ýokluk, armansyz bolmaklyk, armanly bolmazlyk, armanly dällik.

**ARMAN-ÝADAMAN** [a:rma:n-ýa:dama:n], *hal.* Ýadawlygy bilmän, irmän, arman-irmän, irginsiz, dynuwsyz. *Arman-ýadaman işlemek*.

**ARMAWERI** [a:rma:weri], Işläp duran adama "ýadamaweri!" diýen manyda ýüz tutulyp aýdylýan söz, arma. *Armaweriň, adamlar!*

**ARMAZAK** [a:rmazak], *syp.* Armagy-ýadamagy bilmeýän, ýadamazak. *Işden armazak adam.*

**ARMAZAKLYK** [a:rmazaklyk], *at.* Ýadamazaklyk, irmezeklik. *Bu işde armazaklyk gerek.*

**ARMAZLYK** [a:rmazlyk], *iş ady.* Argyn ýagdaýda bolmazlyk, ýadamazlyk.

**ARMYT**, *at, ösüml.d.* **1**. Almapisint miweli agaç. **2**. Şol agajyň miwesi. *Bişip oturan almalaryň, armytlaryň, adyny eşitmedik dürli ir-iýmişleriň ysy burk urýar* (K. Berdiýew).

**ARNA**, *at.* Derýa; derýanyň özünden aýrylyp, ýene şoňa goşulýan goly.

**AR-NAMYS** [a:r-na:mys], *at.* Adamyň guwanylýan we sylanýan jemgyýetçilik-ahlak mertebesi, ar we namys.

**AR-NAMYSLY** [a:r-na:mysly], *syp.* Ara-namysa düşünýän, namysy-ary bolan, wyždanly, ygrarly. *Ar-namysly adam. Ar-namysly bolmak.*

**AR-NAMYSLYLYK** [a:r-na:myslylyk], *at.* Ýokary adamkärçilik mertebesi, ar-namysy barlyk. *Ar-namyslylyk her adama mahsusdyr.*

**AR-NAMYSLYRAK** [a:r-na:myslyra:k], *syp.* Belli derejede ar-namysly.

**AR-NAMYSSYZ** [a:r-na:myssyz], *syp.* Ar-namysy bilmeýän, binamys, adamkärçilik mertebesi pes, ygrarsyz. *Ýa-da bir ilden çykan, Ar-namyssyz gorkakmy?!* (A. Kekilow).

**AR-NAMYSSYZLYK** [a:r-na:myssyzlyk], *at.* Ar-namysy ýokluk, ar-namysly dällik, binamyslyk, adamkärçilik mertebesi peslik, ygrarsyzlyk.

**AR-NAMYSSYZRAK** [a:r-na:myssyzyra:k], *syp.* Belli derejede ar-namyssyz.

**ARPA**, *at.* **1**. Däneli, başy gylçykly ak ekin. **2**. Şol ekiniň dänesi. *Suwsuz ýerde gezmezek, Arpa bersem iýmezek* (Matal).

◊ **Arpa çörek** arpa unundan bişirilýän çörek (beýle çörek bugdaý çöregine garanda gataňsy bolýar). *Ak-gök geýdirme, Arpa çörek iýdirme* (Halk döredijiliginden). **Arpa ekip, bugdaý orjak bolmak** nebsewürlik edip, bolmajak ýerliksiz işi etjek bolmak, çendenaşa uly tama etmek, nebsiňi şaglatmak. **Arpa unundan arzan bolmak** her bir zadyň gitdigiçe gadyry gaçmak, gymmaty peselmek, arzanlamak.

**ARPA-BUGDAÝ** [arpa-vuğdoý], *at.* Arpa hem bugdaý. *Arpa-bugdaý aş bolar, altyn-kümüş daş bolar* (Nakyl). *Han küýli arpa-bugdaýlaryň ýerlerini sürmekde, ýerlere pel-çil çekmekde jan edip işledi* (A. Durdyýew).

**ARPAGAN** [arpağan], *at, ösüml.d.* Arpa meňzeş, başy gylçykly ýaz oty.

**ARPALY**, *syp.* **1**. Içine arpa gapgarylan. *Arpaly çuwallar.* **2**. Arpa garnuwly, arpa goşundyly, arpa düşen. *Bugdaýymyz-a arpaly eken, üwetmäkäk saýlamaly bolar*.

**ARRYGRAK** [arryğyra:k], *syp.* Birneme arryk, az-kem arryk. *Arrygrak mal*.

**ARRYK**, *syp.* **1**. Hor, etsiz-gansyz. *Arryk adam.* **2**. Köp ýyllap ekileni üçin gurpdan düşen, hasyly az berýän (ýer hakynda). *Ak ekin arryk ýerde oňly hasyl bermeýär.* **3**. Dok däl, maňzy dolmadyk (däne hakynda). *Bugdaýyň däneleri gaty arryk görünýär*. **4**. *gepl.d.* Dowar, ownuk janly, ownuk mal. **5**. Oglana dakylýan at.

◊ **Arrygyňy gynamak** bir zat üçin emgenmek, özüňe agram salmak. *Biziň üçin arrygyňyzy gynamaň!* (B. Kerbabaýew).

**ARRYK-DURRUK**, *syp., ser.* **Arryk-urruk**.

**ARRYKLABERMEK** [arrykla:vermek], *işl.* Arryklap ugramak.

**ARRYKLAÇ**, *syp.* Arryga ýakyn, arrygrak, hortap, hortaň. *Arryklaç adam.*

**ARRYKLAMA**, *iş ady.* Arryklamak ýagdaýy.

**ARRYKLAMAK**, *işl.* **1**. Eti-gany gaçmak, horlanmak, arryk hala düşmek, süňk bolup galmak. *Onuň mallary bu ýyl bir kesele ýoluganlygy sebäpli, juda hor düşüpdi, arryklapdy* (N. Jumaýew). **2**. Gurpdan düşmek, ekini iýmitlendirmäge ýagdaýsyz bolmak (ýer hakynda). *Her ýyl pagta ekilýändigi üçin ýerler arryklaýar.* **3**. *göç.m.* Namartlamak, ejizlemek.

**ARRYKLAMAKLYK**, *iş ady.* Arryklamak ýagdaýy.

**ARRYKLATMAK**, *işl.* Arryk hala salmak, arryk düşürmek. *Ýeri dökünsiz arryklatmak.*

**ARRYKLAÝYŞ**, *iş ady.* Arryklamak ýagdaýy.

**ARRYKLYK**, *at.* **1**. Arryk ýagdaýda bolmaklyk, horluk, etsiz-gansyzlyk. *It hem arryklygyn gurda bildirmez, Elbetde, duşmana syýasat ýagşy* (Magtymguly). **2**. Hasylsyzlyk; dökünsizlik (ýer hakynda).

**ARRYK-URRUK**, *syp.* Arryk düşen (dowar, ownuk janly hakynda).

**ARRYLDAMA** [arryllama], *iş ady.* Arryldamak ýagdaýy.

**ARRYLDAMAK** [arryllamak], *işl.* **1**. Arlap seslenmek. **2**. War-war etmek; tar-tar etmek. *Arasynda byçgylaryň arryldysy, paltalaryň gütdüldisi, gaňrylýan agaçlaryň şatyrdysy eşidilýärdi* (B. Kerbabaýew).

**ARRYLDAMAKLYK** [arryllamaklyk], *iş ady.* Arryldamak ýagdaýy.

**ARRYLDAŞMAK** [arryllaşmak], *işl.* Birnäçe bolup arryldamak.

**ARRYLDATMAK** [arryllatmak], *işl.* Arryldyly ses çykartmak, warryldatmak. *Motoryny arryldadyp geçip gitdi.*

**ARRYLDAÝYŞ** [arryllaýyş], *iş ady.* Arryldamak ýagdaýy.

**ARRYLDY** [arrylly], *at.* **1**. Ýolbars, gaplaň ýaly haýwanlaryň güýçli, elhenç sesiniň ady. *Haýwanat bagyndan ýolbarslaryň arryldysy eşidilýärdi.* **2**. Maşyndan çykýan warryldy.

**ARSLAN** [aryslan], *at.* **1**. Pişikler maşgalasyna degişli gytyk, sary tüýli, erkeginiň boýny ösgün tüýli wagşy haýwan, ýolbars, şir, peleň. *Aý içiniň arslany, Gün içiniň göwheri* (Sanawaç). **2**. Oglana dakylýan at.

**ARSYZ**, *syp., gepl.d.* Uly, görnükli. *Arsyz iş eden ýaly bolup geldi.*

**ARSYZ** [a:rsyz], *syp.* Ar-namys edip durmaýan, binamys.

**ARSYZRAK** [a:rsyzyra:k], *syp.* Belli derejede arsyz.

**ARŞ** [aryş], *at, ser*. **Aryş I**.

**ART** [a:rt], *at.* **1**. Arka, ýeňse. **2**. *syp.* Yzky, syrtky. *Ala köpek hasanaklap, art aýaklary bilen gar sowrup, onuň öňünden çykdy.* **3**. Göwräniň yzky tarapy. *Düýe iki ardyny ýokary galdyranda, Mamanyň*

*ýüzi boz-ýaz bolup: – Ýa alla! – diýip, arkan gaýyşdy* (B. Kerbabaýew).

◊ **Yzy, ardy gelmezlik** bir zadyň soňy gelmezlik. *Edilýän gep-gürrüňiň yzy, ardy gelmedi-le.*

**ARTAN-EGSEN** [artan-eğsen], *syp*. Artyp, süýşüp galan zat (köplenç, iýilýän, gündelik durmuşda gerekli zat hakynda), galan-gaçan. *Artan-egseniň bolsa, ýetim-ýesire, garyba bermeli, sogap bolar.*

**ARTA-SÜÝŞE**, *syp., ser.* **Artyk-süýşük**.. *Arta-süýşe döwleti, çöregi ýok halyna... Aýdyň ahyr, adamlar, Ol nähili duşmanmyş?!* (B. Hudaýnazarow).

**ARTA-TAŞA**, *syp.* Artyk-süýşük. *Öýüň içinde arta-taşa zat bolman, bir dulunda iki bogdak un, beýlekisinde reňki solan galaýy sandygyň üstünde üç-dört sany köne ýorgan münderlengidi* (B. Kerbabaýew).

**ARTBAGYŞ** [a:rytbağyş], *at.* Gara öýüň artky tärimleriniň sepleşýän ýeri, düýp tärim tarapy.

**ARTBUJAK** [a:rytbu:jok], *at.* **1**. Täret ýeri. **2**. Ýanlygyň, meşigiň iki artky bujagy.

**ARTDYRMAK** [arytdyrmak] **I**, *işl.* **1**. Süýşürintgi süýşürmek, tygşytlamak. *Alty aýda önjeýli pul artdyrdyk.* **2**. Galyndy galdyrmak, doly harçlaman goýmak. *Nahary artdyryp goýmaň*. **3**. Köpeltmek, üstüne goşmak, sanyny ösdürmek. *Ruhy baýlyklary artdyrmak*. **4**. Öňküden güýçlendirmek, ýokarlandyrmak, öňki derejesinden artyk etmek.

**ARTDYRMAK** [arytdyrmak] **II**, *işl.* Artmak işini başga birine etdirmek. *Gar artdyrmak. Käşir artdyrmak.*

**ARTDYRYBERMEK** [arytdyryvermek], *işl.* Artdyryp ugramak, artdyryp baslamak; artdyrmagy dowam etdirmek.

**ARTDYRYLMAK** [arytdyrylmak] **I**, *işl.* **1**. Süýşürintgi süýşürilmek. **2**. Doly harçlanman goýulmak. **3**.. Üstüne goşulmak, köpeldilmek. *Daýhanlarymyz artdyrylan güýç bilen işleýärler.*

**ARTDYRYLMAK** [a:rytdyrylmak] **II ,** *işl.* Artmak işi başga birine etdirilmek. *Mekdebiň öňündäki gar artdyryldy. Palawa atylmaly sogan artdyrylyp bolundy.*

**ARTEL** [arte:l/arty:l], *at*, *taryh.* Köpçülik bolup jemgyýetçilik hojalygyny ýöretmek üçin kiçiräk kärhana.

**ARTERIÝA** [arte:riýa], *at, lukmanç*. Ýürekden beden agzalaryna (organlara) gan akdyrýan damar. *Arteriýa gan damary.*

**ARTILLERIÝA** [artille:riýa], *at, harb.* **1**. Ot açýan top, minomýot we ş.m. ýaraglar. **2**. Şeýle ýaragly goşun. **3**. Ot açýan ýaraglaryň ähli görnüşleriniň gurluşy, ulanylyşy we peýdalanylyşy hakyndaky ylym.

**ARTIST** [arti:st / arty:s], *at*. Jemagat öňünde sungat eserini ýerine ýetirmek bilen meşgullanýan adam. *Drama teatrynyň artisti. Opera artisti. Türkmenistanyň halk artisti.*

**ARTKY** [a:rytky], *syp.* Yzky, syrtky. *Itiň artky aýagy.*

**ARTLABERMEK** [a:rytla:vermek], *işl.* Artlap başlamak.

**ARTLAMA** [a:rytlama], *iş ady.* Artlamak ýagdaýy.

**ARTLAMAK** [a:rytlamak], *işl., gepl.d.* Ätlemek, ädimlemek. *Perizat haremhana artlap girdi* ("Görogly").

**ARTLAMAKLYK** [a:rytlamaklyk], *iş ady.* Artlamak ýagdaýy.

**ARTLAŞDYRMAK** [a:rytlaşdyrmak], *işl.* Birini münüp gelýän ulagyň yzyna mündürmek. *Iň soňundanam meni artlaşdyryp alyp git* ("Görogly").

**ARTLAŞMAK** [a:rytlaşmak], *işl.* Ata, eşege, motora, tigre iki bolup münmek, biri-biriň ardynda oturmak. *Gürgeniň düzünde toý-toý artlaşyp, Ýene sürsek bile döwran, Seýdi* (Zelili).

**ARTLAŞYK** [a:rytlaşyk], *at.* Ulaga artlaşyp münmek ýagdaýy. *Göroglam artlaşygy bilen şeýle bir gaty gidenok, aty ýörişine, ýorgasyna sürüp otyr* ("Görogly").

**ARTLAÝYŞ** [a:rytlaýyş], *iş ady.* Artlamak ýagdaýy.

**ARTMA** [arytma] **I**, *iş ady.* Artyp galmak ýagdaýy.

**ARTMA** [arytma] **II** , *iş ady.* Artmak ýagdaýy.

**ARTMAK** [arytmak] **I**, *işl.* **1**. Mukdar taýdan artyk galmak, ulanylmaly zatlardan süýşmek. *Toýy sowmak üçin çykarylan zatlaryň artyp galany köp boldy.* **2**. Öňki derejesinden mukdar taýdan köpelmek. **3**. Öňküden güýçlenmek, ýokarlanmak. *Barmaklaryň bady barha artdy, tamdyra owazlanyp başlady* (G. Kulyýew).

**ARTMAK** [arytmak] **II,** *işl.* **1**. Arassalamak, tämizlemek, süpürmek. *Artmaz, ýuwmaz tabagynyň daşyny* (Magtymguly). **2**. Daşynyň gabygyny aýyrmak, gerekmez ýerini aýryp arassalamak. *Sogan artmak. Käşir artmak.* **3.** Pil, kepje bilen ýagyp ýere düşen gary gyryp aýyrmak. *Gar artmak.*

**ARTMAK** [a:rytmak], *at.* Ýüzi çitme, öýdüme, arkasy kakma edilip dokalan, goş-golam salmak üçin agzy gözelýän çuwal.

**ARTMAKLYK** [arytmaklyk] **I**, *iş ady.* Artmak ýagdaýy.

**ARTMAKLYK II** [arytmaklyk]**,** *iş ady.* Artmak ýagdaýy.

**ARTYGRAK** [artyğyra:k], *syp.* Köpräk, az-kem artyk.

**ARTYK**, *syp.* **1**. Süýşürilip goýlan, artykmaç, tygşytlanan. *Artyk pul.* **2**. Köp. *Giç ýat-da, ir tur, alty pişegi artyk ur* (Nakyl). **3**. Mundan buýana, aňryk, uzak. *Mundan artyk okap bolmaýar. Şu günden artyk garaşyp bolmaz.* **4**. Tapawutly, beýlekilerden parhly; adamçylygy gowy, geçirimli. *Ol gaty artyk adam eken, özüm bilen deň boljak bolup durmady. Meniň olardan nämäm artyk?* **5**. Bir zadyň gerekmejek ýeri, bölegi. *Alan mataň az-owlak artyk çykýar*. **6**. Oglana we gyza dakylýan at. **7**. Ahal welaýatynda bir oba.

**ARTYKLYK**, *at.* **1**. Belli bir derejeden köplük, gereginden agdyklyk, artykmaçlyk. *Ýorunjany näçe eksek hem artyklyk edesi ýok.* **2**. Beýlekisinden tapawutlylyk, aýratynlyk, parhlylyk, hil, gylyk-häsiýet taýdan gowulyk. *Onuň senden artyklygy ýok.*

**ARTYKMAÇ**, *syp.* **1**. Belli bir derejeden, gereginden köp, artyk. **2**. Tapawutly, parhly, beýlekilerden saýlanýan, gowy, oňat. *Hawa, hawa, ony bilýän, onuň gaty artykmaç gyzy bardyr* (A. Durdyýew). **3**. Biderek, gereginden artyk, çendenaşa, öte. *Oňa artykmaç azar beresi gelmedi* (B. Kerbabaýew).

**ARTYKMAÇLYK** [artykmaşlyk], *at, ser.* **Artyklyk**. *Hiç birimize täze jaý artykmaçlyk etmese gerek.*

**ARTYK-SÜÝŞÜK**, *syp., ser.* **Artyk**. *Artyk-süýşük zat az bolmady.*

**ARTYP** [arty:p], *at.* Käýinilende, gaharlanylanda kineli, göwnügalyjylykly äheňde ulanylýan söz (köplenç, aýallaryň dilinde). *Ol artyplara gandala degipdir* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Artyp galan (galmyş)** bizar eden, hezil bermedik. *Artyp galmyşyň börügi-de gursun, ýaşmagy-da!* (B. Kerbabaýew).

**ARTYŞ**, *iş ady.* Artmak ýagdaýy.

**ARUZ** [aru:z], *at, edeb.* Uzyn we gysga çekimlili bogunlaryň belli bir tertipde gezekleşip gelýän şygyr ölçeginiň ady.

**ARWAH** [arwoh], *at, ser.* **Al II**, **1**. *Arwah, jyn bäri geçmesin* ("Görogly").

◊ **Arwahyň (jynyň) almazlyk** birini sulhuň almazlyk. *Ele düşse, zyba perizat gyzy, Arwahyň almasa, ýakmaz owazy* (Zelili).

**ARWANA** [arwono], *at, haýwanat d.* Arassa tohumdan bolan bir örküçli düýe. *Bir düýäm bar, arwana, Sürsem, gitmez kerwene* (Halk döredijiliginden).

**ARY I**, *at.* Perdeganatlylar maşgalasyndan bolan neşderli mör-möjek. *Arynyň zäherin datmadyk balyň gadyryn näbilsin* (Nakyl).

◊ **Arynyň öýjügini gorjamak** etmesiz işi etmek, başyňa dawa, jenjel satyn almak, derdini gozgap odukdyrmak.

**ARY II**, *at.* Iki adam bolup işledilýän iki tutarly uly byçgy. *Ary bilen agaç kesmek.*

**ARY** [a:ry], *syp.* Arassa, päkize, tämiz. *Ne çyragdyr, günsüz ýeri ýarydyr! Ne gözgüdir, dury suwdan arydyr* (Magtymguly).

**ARYF** [a:ry:f], *syp., ser.* **Aryp**. *Aryf gullar habar berdi hakykatdan* (Hoja Ahmet Ýasawy).

**ARYK** [a:ryk], *at.* Suwly ýap, salma. *Owal akan ýerden akarmyş aryk, Özün öwen ýigdiň tanapy çüýrük* (Magtymguly). *Arykda suw kesilmese, saçakda nan tükenmez* ("Nesil").

**ARYMSY**, *syp.* Bedenini, tenini, inini arassa, päk saklaýan (adam hakda). *Arymsy gelin äre örk* (Nakyl).

**ARYP** [a:ry:p], *syp.* **1**. *k.d.* Bilimli, paýhasly, parasatly. *Aryp bolsaň, habar algyn sözünden, Bir köýnegi bardyr egri dyzyndan* ("Görogly"). **2**. *gepl.d.* Örän sypaýyçylyk bilen hereket edýän. *Ol gaty aryp adam.* **3**. Oglana dakylýan at.

**ARYŞ I,** *at.* Asman; ýedi gat asmanyň iň ýokarkysy. *"Arşda, ferşde ne bar, görgül!" diýdiler* (Magtymguly).

◊ **Arşa çykarmak** hetdenaşa öwmek, öwgüsini ýetirmek. *Ol kitaby öwüp arşa çykardy* (N. Saryhanow). **Arşa ýetmek (çykmak)** dabarasy dag aşmak, hemme ýere ýaýramak, mälim bolmak. **Arş-y agla** iň ýokarky asman. *Ýere inip geldi arş-y agladan* (Magtymguly).

**ARYŞ II**, *at.* Araba goşulýan malyň iki gapdalyndan ýa-da iki malyň aralygyndan geçýän ýogyn agaç.

**ARYŞ** [a:ryş], *iş ady.* Armak ýagdaýy.

**ARZ**, *at.* **1**. Bir zada närazyçylyk bildirip, dilden edilýän şikaýat. **2**. Bir zat hakynda edilýän haýyş, ýüz tutma. *Söwdügim, arzymy diýmek çün saňa, Bilbil söýledigi dil maňa gerek* (Garajaoglan). *Tahyr guzym, eşit, saňa arzym bar, Bendi men, başymny azat eýlegil* ("Zöhre – Tahyr"). *Eşit meniň arzym, hormatly ene, Ene, men dertlini ýandyrma beýle!* ("Şasenem – Garyp").

◊ **Arz etmek** bir zat hakynda arz bilen ýüz tutmak. **Arzyňy aýtmak** bir zat hakynda haýyşyňy aýtmak.

**ARZA**, *at.* Bir zat hakynda hat üsti bilen edilýän haýyşnama. *Ogluň-da şu ýyl gitmäge göwnemeýär, galmak üçin arza ýazdy* (A. Durdyýew).

**ARZAÇY**, *at.* **1**. Arza ýazýan; arz edýän adam. **2**. *göç.m.* Şikaýatçy, töhmetçi.

**ARZALAŞMAK**, *işl.* **1**. Biri-biriň üstünden arza ýazmak. **2**. Arza arkaly dawany çözmek, arany açmak. *Gyz, öňki äriňden arzalaşyp aýryldyňmy?* (A. Alamyşow).

**ARZAMA**, *iş ady.* Arzamak ýagdaýy.

**ARZAMAK**, *işl., gepl.d.* **1**. Arzysy artmak, arzyly bolmak, arzylanmak. *Adama näçe hormat goýsaň, arzaýar* (B. Kerbabaýew). **2**. Halamak, söýmek, gowy görmek. *Mämmethan, Annabeg ýaly adamlar gudaçylykda, toýda-geňeşde ýolbaşçylyk etmegi arzaýan adamlardyr* (B. Kerbabaýew).

**ARZAMAKLYK**, *iş ady.* Arzamak ýagdaýy.

**ARZAN** [arza:n], *syp.* Gymmat bolmadyk, gymmat däl, bahasy ujypsyz.

◊ **Arzan düşmezlik** aňsat bolmazlyk, ýeňil düşmezlik. *Beýle zat saňa arzan düşmez, Sona!* (B. Pürliýew).

**ARZANÇYLYK** [arza:nçylyk], *at.* Zatlaryň, harytlaryň nyrhy arzan bolmaklyk, arzanlyk, bahasy gymmat dällik.

**ARZANLABERMEK** [arza:nla:vermek], *işl.* Arzanlap ugramak. *Harytlar birden arzanlaberdi.*

**ARZANLADYLMAK** [arza:nladylmak], *işl.* Arzan derejä getirilmek. *Nyrhlar orta hasap bilen iki esse arzanladyldy.*

**ARZANLAGAN** [arza:nlağan], *syp.* Ýygy-ýygydan arzanlap duran.

**ARZANLAGYÇ** [arza:nlağyç], *syp., ser.* **Arzanlagan.**

**ARZANLAMA** [arza:nlama], *iş ady.* Arzanlamak ýagdaýy. *Satýan üçin harydyň arzanlamasy bähbitli däl.*

**ARZANLAMAK** [arza:nlamak], *işl.* Arzan bolmak, nyrhy aşaklamak, bahasy öňküsinden aşak düşmek. *Gök önümleriň nyrhy geçen ýylyň şu döwürdäkisinden üç esse diýen ýaly arzanlady.*

**ARZANLAMAKLYK** [arza:nlamaklyk], *iş ady.* Arzanlamak ýagdaýy.

**ARZANLAMAZAK** [arza:nlamazak], *syp.* Arzanlamaýan, nyrhy pese düşmeýän.

**ARZANLAŞMAK** [arza:nlaşmak], *işl.* Zatlaryň, harytlaryň bahasy köpçülikleýin ýagdaýda kem-kemden peselmek, pese düşmek. *Gawun-garpyzyň bahasy arzanlaşyp başlapdyr.*

**ARZANLAŞYK** [arza:nlaşyk], *at.* Nyrhlaryň pese düşme, bahasynyň aşaklama ýagdaýy.

**ARZANLATDYRMAK** [arza:nlatdyrmak], *işl.* Arzanlatmaga mümkinçilik döretmek, ýol bermek; arzanlatmagy başga birine etdirtmek.

**ARZANLATMAK** [arza:nlatmak], *işl.* Bahasyny peseltmek, nyrhyny öňküsinden aşaklatmak. *Köp gezek zatlaryň nyrhyny arzanlatmak boýunça çäreler geçirildi.*

**ARZANLAÝYŞ** [arza:nlaýyş], *iş ady.* Arzanlamak derejesi.

**ARZANLYK** [arza:nlyk], *at, ser.* **Arzançylyk**.

**ARZANRAK** [arza:nyra:k], *syp.* Az-kem arzan.

**ARZUW**, *at.* **1**. Adamyň hyýalynda dörän we pikirinde göz öňüne getirilýän zat. *Arzuw etmek.* **2**. Islenýän, hyjuw edip, ýetiljek bolunýan zat. **3**. Gyza dakylýan at. **4**. Ahal welaýatynda bir oba.

◊ **Arzuwyň hasyl bolmak** arzuwyň amala aşmak.

**ARZUW-DILEG** [arzuw-dileğ], *at, ser.* **Arzuw** we **Dileg 2**. Ýurt Garaşsyzlygymyza eýe bolanymyzdan soň merdana halkymyzyň bol suw hakyndaky arzuw-dilegleri hasyl boldy (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr").

**ARZUW-HYÝAL** [arzuw-hyýa:l], *at, ser.* **Arzuw 1**.

**ARZUW-ISLEG** [arzuw-isleğ], *at, ser.* **Arzuw 1**. *Begenç soňky ýyllarda ýalňyz bir arzuw-isleg bilen ýaşaýardy* (G. Kulyýew).

**ARZUWLAMA** [arzuwlomo], *iş ady.* Arzuwlamak ýagdaýy.

**ARZUWLAMAK** [arzuwlomok], *işl.* Bir zady, birini islemek, arzuw etmek, küýsemek. *Biz bu gün ata-babalarymyzyň arzuwlan bagtly zamanasynda ýaşaýarys* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr"). *Arzuwlap tapmadym ol ala gözi, Toýlar-tomaşalar tuta bilmedim* ("Görogly").

**ARZUWLAMAKLYK** [arzuwlomokluk], *iş ady.* Arzuwlamak ýagdaýy.

**ARZUWLANMAK** [arzuwlonmok], *işl.* Arzuw edilmek.

**ARZUWLAÝYŞ** [arzuwloýuş], *iş ady.* Arzuwlamak ýagdaýy.

**ARZUWLY**, *syp.* **1**. Arzuw edilýän, islegli, umyt edilýän. *Meret diýdi: – Sonam, haçan toý bolar? Arzuwly pursatlar näwagt geler?* (D. Baýmyradow). **2**. Arzuwlanýan, arzyly. *Begler, siziň arzuwlyňyz, Geldi, Öwez oglum, geldi* ("Görogly").

**ARZUWMENT**, *syp.* Arzuwly, umytly. *On bäşde arzuwmendiň, Gyz gerek, juwan gerek* (Magtymguly).

**ARZUW-NIÝET**, *at, ser.* **Arzuw 1**.

**ARZY**, *at.* **1**. Biri üçin bildirilýän gadyr, birine edilýän hormat, sylag, gadyr-gymmat. *Arzanyň arzysy ýok* (Nakyl). **2**. Gyza dakylýan at.

◊ **Arzyňy gaçyrmak** özüňe edilýan hormaty peseltmek.

**ARZY-HAL** [arzy-ha:l], *at.* Hal-ýagdaý, ahwal, ýagdaý. *Şatuduň astynda olar oturyp, Arzy-halyn bir-bir beýan edişdi* (R. Seýidow).

**ARZYLAMA**, *iş ady.* Arzylamak ýagdaýy.

**ARZYLAMAK**, *işl.* Gadyr-gymmatyny bilmek, arzyly saýmak.

**ARZYLAMAKLYK**, *iş ady.* Arzylamak ýagdaýy.

**ARZYLANMAK**, *işl.* Gadyr-gymmaty bilinmek.

**ARZYLANMAZLYK**, *iş ady.* Gadyr-gymmaty bilinmezlik. *Arzylanmaýan ýerine kimiň barasy geler?!*

**ARZYLAÝYŞ**, *iş ady.* Arzylamak ýagdaýy.

**ARZYLY**, *syp.* **1**. Arzysy bolan, sylagly, hormatly, gadyr-gymmatly, gadyrly, eziz. *Emma welin arzyly myhmanyň elinde diňe bir gazetden başga sowgat ýokdy* (A. Gowşudow). **2**. Islegli, eý görülýän. *Şeýle bir tiz geçýär arzyly bahar, Arzyly güllerem diýseň tiz solýar* (I. Nuryýew).

**ARZYSYZ,** *syp.* Arzysy bolmadyk, arzysy ýok, arzyly däl.

**ARZYSYZRAK** [arzysyzyra:k], *syp.* Birneme arzysyz, arzysy azrak.

**AS** [a:s], *at.* Köplenç, çägelerde, takyrlyklarda, kümelerde we ş.m. ýerlerde duş gelýän suwulgana meňzeş kiçijik ala reňkli süýreniji. *Şuňkar guş deý gondurjakdym goluma, Ýylan, içýan, as ekeniň, bilmedim* ("Aşyk Çaňly").

**ASAL**, *at.* **1**. Bal. *Gelin aýdar diýdijegimi diýer men, Gandy, asal, şeker, nabat iýer men* ("Saýatly – Hemra"). *Asal ýaly datly, almaz ýaly ýiti dilimiziň barlygynda agzybir millet bolup ösüp ýetişýäris* ("Türkmenistan"). **2**. *şahyr.* Örän süýji, lezzetli, mylaýym (zat hakynda). *Il-günüme bagş etdim, Zyban içre asalym* (Magtymguly). *Şirin lebiň meňzär asala, ganda, Men senden aýrylyp gideýin kanda?* (Seýdi).

**ASAN** [a:sa:n], *syp, k. d.* Aňsat, ýeňil, kyn däl. *Asan görner ýolny mydam ýörgenlerge* (Hoja Ahmet Ýasawy). *Her kim ýamanlasa deňi-duşuny, Özi müşgil eder asan işini* (Magtymguly).

**ASANLAŞMAK** [a:sa:nlaşmak], *işl., k. d.* Dura-bara asan bolmak, ýeňilleşmek.

**ASAWAÇ** [asowa:ç] *at, ser.* **Asgyç**.

**ASDYRMAK** [assyrmak], *işl.* Asmak işini başga birine etdirmek.

**ASFALT** [asva:lt], *at*. Bituma çagyl, ownuk daş we ş.m.garylan süýgeşik gurluşyk materialy. *Asfalt zawody*.

**ASFALTLAMAK** [asva:ltlamak], *işl*. Ýeriň üstüne, ýola asfalt düşemek, ýazmak.

**ASGYÇ** [asğyç], *at.* Geýim-gejim asmak üçin enjam, asawaç. *Ýerinden turup, egnindäki gara paltosyny çykardy-da, diwardaky asgyçdan ildirdi* (B. Öwezow).

**ASGYN** [asğyn], *syp.* Güýç taýdan gowşak, pes. *Emma men ondan asgyn geldim, aşyp bilmedim* (H. Garabaýew).

**ASGYNJAK** [asğynjak], *at, syp.* Artykmaç dert, hossa, aýakbagy. *Ogul, gyz, mal-u zen saňa asgynjak, Goýmazlar gezmäge, näge ýatyp sen?* (Magtymguly).

**ASGYNJAKLYK** [asğynjaklyk], *at.* Asgynjak bolmaklyk, artykmaç dert bolmaklyk, aýakbagy bolmaklyk, päsgel berijilik.

**ASGYNJAŇ** [asğynjaň], *at. ser.* **Asgynjak.**

**ASGYNLABERMEK** [asğynla:vermek], *işl.* Asgynlap başlamak.

**ASGYNLADYLMAK** [asğynladylmak], *işl.* Asgyn derejä ýetirilmek.

**ASGYNLAMA** [asğynlama], *iş ady.* Asgynlamak ýagdaýy.

**ASGYNLAMAK** [asğynlamak], *işl.* Güýç-kuwwaty peslik etmek, asgyn gelip başlamak, döwi pes bolmak, ejizlemek.

**ASGYNLAMAKLYK** [asğynlamaklyk], *iş ady.* Asgynlamak ýagdaýy.

**ASGYNLAMAZLYK** [asğynlamazlyk], *iş ady.* Asgyn gelmezlik.

**ASGYNLATMAK** [asğynlatmak], *işl.* Asgynlamak katdyna ýetirmek. *Näsaglyk ony asgynladyp ugrady weli, lukmanlar wagtynda kömege geldiler.*

**ASGYNLAŞMAK** [asğynlaşmak], *işl.* Asgyn gelip ugramak, kem-kemden asgynlamak. *Itler indi asgynlaşyp ugradylar.*

**ASGYNLAÝYŞ** [asğynlaýyş], *iş ady.* Asgynlamak ýagdaýy.

**ASGYNLYK** [asğynlyk], *at.* Güýji peslik, döwi peslik, ejizlik.

**ASGYRAGAN** [asğyrağan], *syp.* Ýygy-ýygydan asgyrýan (adam hakynda).

**ASGYRAK** [asğyrak], *syp., ser.* **Asgyragan**.

**ASGYRDARLY** [asğyrdarly], *syp*. Asgyrmaga mejbur ederli. *Çöplügiň içindäki dyza golaýlaýan çygly gök otlaryň ysy Çerkeziň burnuna urdy, ony asgyrdarly boldy* (B. Kerbabaýew).

**ASGYRMA** [asğyrma], *iş ady.* Asgyrmak ýagdaýy.

**ASGYRMAK** [asğyrmak], *işl.* Gaňşyrawugyň tutulyp, zarp bilen agzyňdan, burnuňdan biygtyýar nemli howa goýbermek, çykarmak. *Görogly asgyryp, ýerinden turdy* ("Görogly").

**ASGYRMAKLYK** [asğyrmaklyk], *iş ady.* Asgyrmak ýagdaýy.

**ASGYRTMAK** [asğyrtmak], *işl.* Asgyrmaga mejbur etmek.

**ASGYRYBERMEK** [asğyryvermek], *işl.* Asgyryp ugramak.

**ASGYRYŞ** [asğyryş]**,** *iş ady.* Asgyrmak ýagdaýy.

**ASGYRYŞMAK** [asğyryşmak], *işl.* Birnäçe bolup, bile asgyrmak. *Beýlekiler hem asgyryşyp, gözlerini owkalaşyp oýandylar* (B. Seýtäkow).

**ASLA** [asla:], *hal.* **1**. Düýpden, hiç hili, asyl, hiç haçan. *Dostuňy asla ýatdan çykaryp bolmaz.* **2**. Aslynda, ýogsa-da. *Asla, ony Meňliniň özünden başga adam bilen paýlaşmak mümkinmi?* (G. Kulyýew).

**ASLYNDA** [aslynna], *giriş s.* Hakykatda, iş ýüzünde, öňden gelşine görä, öňde-soňda, aslyýetinde. *Aslynda, Äşebibi hemme şerti üpjün gözel jaýa göçüp gelmekden boýun towlapdy* (B. Kerbabaýew).

**ASLYÝET**, *at.* Asyl gelip çykyş, asyl boluş. *Wepa onuň aslyýetini gürrüň berdi* (A. Gowşudow).

**ASLYÝETINDE** [aslyýetinne], *giriş s., ser.* **Aslynda**.

**ASMA**, **1**. *iş ady.* Asmak ýagdaýy. **2**. *syp.* Asylyp goýulýan, gerlip goýulýan, asylýan. *Aýal ýyly nan bişirip gelýär, ony hem asma sebede salyp, asyp goýýar-da, gazany hem düşürip beýlede goýýar* (Keminäniň şorta sözlerinden). *Asma terezi. Asma sagat.*

**ASMAK I**, *işl.* **1**. Bir zady asawaçdan, diwardan sallap goýmak, ildirip goýmak, dakmak. *Yşk dagyn assalar gögüň boýnundan, Gök titreýip, çeke bilmez bu derdi* (Magtymguly). *Owadan halyny diwardan asdylar.* **2**. Dara çekmek, asyp öldürmek.

**ASMAK II**, *işl., gepl.d.* Gazandaky suwuň içine çig et atylyp bişirilýän nahary atarmak, gaýnatma atarmak. *Bibisoltan eje hamyry ýugrup bolansoň, gazan ataryp, kellebaşaýagy asdy.* (H. Garabaýew).

**ASMAKLYK**, *iş ady.* Asmak ýagdaýy.

**ASMALYK I**, *at.* Gelnalyja gidilende, düýehalygyň üstünden dakylýan-asylýan ýa-da diwaryň, tärimiň ýüzüne gerilýän dürli dörtburç mata bölejiklerinden edilen bezeg esbaby.

**ASMALYK II**, *at, ser.* **Asyk**.

**ASMAN** [asma:n], *at.* **1**. Ýeriň ýokarsynda görünýän gümmez görnüşli giňişlik, gök. *Zeminiň lälesi, asmanyň Aýy, Dünýäniň göwheri-käni, Ogulbeg* (Kemine). **2**. *göç.m.* Dik ýokary, belentlik, diň gök, al-asman. *Aýdym-sazyň sesi asmana galýar.* **3**. Gyza dakylýan at.

◊ **Asmandan asmak** bir zady aňrybaş saýmak, öwüp arşa çykarmak; gymmat baha kesmek. *Ol-a gyzyny asmandan asyp oturandyr.* **Asman paýyňy çek!** Eliňden geleni ni et, başaranyňdan gaýtma, bileniňden galma.

**ASPIRANT** [aspyra:nt], *at.* Aspiranturada okaýan adam.

**ASPIRANTURA** [aspyrantu:ra], *at.* Ýokary okuw mekdepleri we ylmy-barlag edaralary üçin ylmy-pedagogik we ylmy işgärleri taýýarlamagyň esasy görnüşi.

**ASSA**, *hal.* Haýal, ýuwaş, çala. *Assa gaçan – namart* (Nakyl).

**ASSA-ASSA**, *hal, ser.* **Assa**. *Musulman – assa-assa* (Nakyl). *Ol assa-assa ýöräp gitdi.*

**ASSAJA**, *hal.* Ýuwaşja, çalaja, emaý bilen, usul bilen.

**ASSALYK**, *at.* Haýallyk, ýuwaşlyk.

**ASSAMBLEÝA** [assamble:ýa], *at.* Haýsy-da bolsa bir halkara guramasynyň agzalarynyň umumy ýygnagy. *Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy.*

**ASSARAK** [assara:k], *hal.* Birneme assa, az-kem assa. *Ol öňküsinden assarak ýöräp başlady.*

**ASSIRIÝALY** [assi:riýaly], *ser.* **Assiriýalylar**.

**ASSIRIÝALYLAR** [assi:riýalylar], *at.* Yrakda, Eýranda, Türkiýede we başga käbir ýurtlarda ýaşaýan gadymy halk.

**ASSISTENT** [assisse:nt], *at.* Hünärmeniň kömekçisi; ýokary okuw mekdeplerinde laboratoriýa sapaklarynda professora kömek edýän adam; operasiýa wagtynda hirurgyň kömekçisi.

**ASSISTENTLIK** [assisse:ntlik], *at.* Assistentiň käri we wezipesi. *Assistentlik etmek.*

**ASSOSIASIÝA** [assosiýa:siýa], *at.* Kärdeş adamlaryň ýa-da edaralaryň birleşigi, birleşik. *Azyk assosiasiýasy.*

**ASSYNLYK**, *at.* **1**. Mala taýlanyp urulýan ýük. **2**. Düýä ýüklemek üçin sazak çykalanda howudy ýyrtmaz ýaly aşagyndan goýulýan selin ýa-da agaç püri. *Oduny assynlyk goýup çykamak.*

**ASSYRYN** [assyry:n], *hal.* Gizlin, ýaşyryn, duýdurman, pynhan, ogryn. *Oba tanyşlaryndan biri ony çete çekip, assyryn sowal berdi* (B. Kerbabaýew).

**ASSYRYNLYK** [assyry:nlyk], *at.* Gizlinlik, pynhanlyk, ýaşyrynlyk, ogrynlyk. *Assyrynlyk bilen ýalbaryp, ýüz tutup hem gördi* (N. Pomma).

**AST** [ass], *at.* Bir zadyň aşagy, düýbi, teýi. *Ýeriň üstündäki bikemal ogul Ýeriň astynda-da azardyr enä...* (K. Gurbannepesow).

**ASTROFIZIKA** [astyrafi:zika], *at.* Astronomiýanyň, fizikanyň kanunlarynyň esasynda asman jisimleriniň içki gurluşyny, ýyldyzlaryň hem-de planetalaryň atmosferalarynyň fiziki häsiýetlerini we himiki düzümlerini, ýyldyz hem gün energiýasynyň çeşmesini, şeýle-de planetalar ara we ýyldyzlar ara giňişligi öwrenýän bölümi.

**ASTRONAWT** [astyrana:vt], *at.* Kosmonawt (bu adalga daşary ýurtlaryň birnäçesinde kabul edilen).

**ASTRONOM** [astyrano:m], *at.* Astronomiýa ylmy bilen meşgullanýan alym.

**ASTRONOMIÝA** [astyrano:myýa], *at.* **1**. Asman jisimleri hakyndaky ylym. **2**. Okuw dersi, sapagy.

**ASTYN** [assyn], *at, dil b.* Arap ýazuwynda harpyň aşagynda goýulýan ýapgyt, keseje bellik. *Harpyň harap eder, bozar lezzeti, Astyn, üstün, teşdid, metin näbilsin* (Magtymguly).

**ASUDA** [a:su:do], *syp.* Ümsüm, rahat, parahat, imisala. *Asuda durmuş.* **2**. Ýuwaş, assa, pessaý. *Ol asuda sözledi.*

**ASUDALYK** [a:su:doluk], *at.* Ümsümlik, rahatlyk, parahatlyk, imisalalyk. *Iki sany uly yklymyň – Aziýanyň we Ýewropanyň çatrygynda ýerleşen Türkmenistan asyrlaryň hem-de müňýyllyklaryň sepgidinde asudalygyň we durnuklylygyň gyşarnyksyz utgaşmagy bilen tapawutlanýan döwlet düzgüniniň özboluşly nusgasyny dünýä görkezdi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr").

**ASY** [a:sy], *at, k.d.* Günäli, günäkär, ýazykly. *Magtymguly, çekseň dagy-dügünden, Asy bolup şikat etme bu günden* (Magtymguly). *Men-menlikde gezer käsi, Günbe-günden bolar asy* (Zelili).

**ASYK**, *at, zergärç.* Aýallaryň, gelinleriň arkasyna atýan saçynyň iki örümini birikdirýän uly hem ýasy bezeg şaýy. *Il arasynda bu asyk sanyna görä ýeke asyk, goşa asyk, jübüt asyk, üçgoşma asyk, dörtgoşma asyk ýaly atlandyrylýar.*

**ASYL**, *at.* **1**. Düýp gelip çykyş, döreýiş nokady, başlangyç; ýerlik. *Indi sen bizlere aslyňy beýan et*

("Görogly"). *Ýagşylardan hergiz çykmaz ýamanlyk, Asly ýaman bolsa, çykmaz ýagşylyk* (Magtymguly). **2**. Hakyky, tüýs, esasy, düýp. *Bedasyl beg gullugynda ýörinçäň, Asyl begiň saýasynda kül bolgun* (Magtymguly). **3**. Düýpden, düýbünden, asla; hiç haçan, hiç wagt. *Emma seniň kimin tisginmezek adamyny şu güne çenli asyl görmedim* (N. Pomma). **4**. Edep, edep-ekram. *Bolup oturyşyň nähili, düýbünden asylyň ýok, adam diýeniň asyllyrak bolar*. **5**. Eýsem, ýogsa-da bolsa we ş.m. köp many öwüşginli söz. *Ol asyl meniň gözläp ýören adamym eken.*

**ASYL-ASYL**, **asyl-asyl bolmak** bir zatdan ýapyşyp, howada sallanyp durmak; bir zada ilişip, boşlukda zordan özüňi saklap durmak.

**ASYLLANMAK,** *işl.* Öňküsine garanda asylly bolmak.

**ASYLDAŞ** [asyllaş], *syp.* Asly bir, asyl gelip çykyşy meňzeş. *Başyna iş düşse, garyndaş gerek, Güýji-kömegine asyldaş gerek* (Hatam şahyr).

**ASYLDAŞLYK** [asyllaşlyk], *at.* Asly birlik, asyl gelip çykyşy meňzeşlik, babadaşlyk.

**ASYLGY** [asylğy], *syp*. Asylyp goýlan. *Onuň diwardan asylgy telpege gözi düşdi*.

**ASYLKY** [asylky], *syp*. Ilki başdaky ýagdaýy, başdaky bolşy. *Asylkysyny aýdanda, eger seniň duluňda hemme esbaplary bilen üpjün ala tow hyrlyň asylgy duran bolmasa ýa-da duluňda päkize jöwher gylyjyň tärimiň başyndan asylgy bolup, işigiňde-de kişňäp duran atyň bolmasa, seniň gapyňda daýhançylyk esbabynyň müňüsi üýşsün, harwar-harwar jöwen, bugdaý, arpa hasyl al, tapawudy ýok, bir gürrüňçilikde birden sen gatyrak güläýseň, ilki bilen öz kowumyňdan biri: "Sen näme gürleýäň, bar çaýryňy çap" diýer* (A. Gowşudow).

**ASYLLY**, *syp.* **1**. Adamkärçilikli, salyhatly, edep-ekramly. *Asylly ahlak kadalary*. *Asylly adam*. **2**. Jemgyýet üçin peýdaly, abraýly. *Ýurdumyzyň tebigatyny gowulandyrmakda asylly işler alnyp barylýar* ("Türkmenistan"). *Biziň jemgyýetimizde ýaşaýan her bir ynsan arassa, asylly bolmalydyr.*

**ASYLLYLYK**, *at.* Adamkärçiliklilik, edep-ekramlylyk, salyhatlylyk.

**ASYLLYRAK** [asyllyra:k], *syp.* Birneme asylly. *Asyllyrak boluň.*

**ASYLLYSYRABERMEK** [asyllysyra:vermek], *işl.* Asyllysyrap ugramak.

**ASYLLYSYRAMA**, *iş ady.* Asyllysyramak ýagdaýy.

**ASYLLYSYRAMAK**, *işl.* Asylly bolan bolmak, ýalandan ýasama asylly bolmak.

**ASYLLYSYRAMAKLYK**, *iş ady.* Asyllysyramak ýagdaýy.



**ASYLLYSYRAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup bilelikde asyllysyramak.

**ASYLLYSYRAÝYŞ**, *iş ady.* Asyllysyramak ýagdaýy. *Ol gyzyň asyllysyraýşyny diýsene*.

**ASYLMA**, *iş ady.* Asylmak ýagdaýy.

**ASYLMAK**, *işl.* **1**. Bir zady asgyçdan we ş.m. ildirilmek. **2**. Dara çekilmek, dardan asylmak. **3**. Özüni asyp öldürmek.

**ASYLMAKLYK**, *iş ady.* Asylmak ýagdaýy.

**ASYLSYZ**, *syp.* Asyly, edebi ýok, asyly bolmadyk; salyhatsyz, edep-ekramsyz.

**ASYLSYZRAK** [asylsyzyra:k], *syp.* Belli derejede asylsyz, azda-kände asylsyz.

**ASYLYŞ**, *iş ady.* Asylmak ýagdaýy.

**ASYLYŞAŇKYRLAMAK** [aslyşaňkyrlamak], *işl.* Asylyşmaga ýakynlamak.

**ASYLYŞGAN** [aslyşğan], *syp.* Ýygy-ýygydan asylyşýan; asylyşmaga ýakyn, asylyşmaga endik eden.

**ASYLYŞMA** [aslyşma], *iş ady.* Asylyşmak ýagdaýy.

**ASYLYŞMAK** [aslyşmak], *işl.* **1**. Asylyp durmak, sallanyşmak, sallanyşyp durmak. *Tärimiň başlarynda asylyşyp duran ýüp ýoluklary-da, torbalaryň seçekleri-de gymyldaşýan ýaly boldy* (N. Saryhanow). **2**. Bir zadyň yzyndan, gapdalyndan asylmak, ýapyşmak. *Durdy Uzugy goýbermän asylyşdy* (H. Derýaýew). **3**. *göç.m.* Bir zada, birine päsgel bermek, artykmaç ýük, hossa bolmak.

**ASYLYŞMAKLYK**, *iş ady.* Asylyşmak ýagdaýy.

**ASYLYŞMAZLYK** [aslyşmazlyk], *iş ady.* Asylyşmak hereketini ýerine ýetirmezlik.

**ASYLYŞYBERMEK** [aslyşyvermek], *işl.* Asylyşyp başlamak; asylyşmagy dowam etdirmek.

**ASYLZADA** [asylza:da], *at.* Sypaýy, mylaýym, salyhatly, ýokary adamkärçilikli adam. *Başyň goşma gadyr bilmez bezzada, Goşsaň goşgul aşyň bir asylzada* (Magtymguly).

**ASYLZADALYK** [asylza:dalyk], *at*. Asylzada bolmaklyk, asylzadalara mahsus bolan häsiýetleri özünde jemlemeklik.

**ASYNMAK** , *işl.* **1**. Bir ýeriňden asmak, dakynmak. *Biliňden gylyç asynmak.* **2**. Gazanda nahar atarynmak. *Ol kellebaşaýak asynypdyr.*

**ASYR**, *at.* Ýüz ýyl, ýüz ýyllyk döwür, wagt. *Hawa, türkmenler çydamlydy, olara erkana günlere ýetmek üçin baryp sekiz asyr garaşmak gerek bolupdy* ("Türkmenistan").

**ASYRLAP** [asyrla:p], *hal.* Asyr(lar)yň dowamynda (ol sözüň öňünden mukdar san getirilip ulanylýar). *Bir asyrlap*. *Iki asyrlap*.

**ASYRLARBOÝY** [asyrlarvoýy], *hal.* Asyrlaryň dowamynda.

**ASYRLAÝYN**, *hal.* Ýüz ýyllap, asyrlar boýy, ençeme asyrlap.

**ASYRLYK**, *syp.* Asyra deň bolan. *Halkyň köp asyrlyk taryhy*.

**ASYRSAÝYN** [asyrsa:ýyn], *hal*. Asyr geçdigiçe.

**ASYŞ**, *iş ady.* Asmak ýagdaýy.

**ASYŞDYRMAK**, *işl.* **1**. Birnäçe zady asyp çykmak, bir zatdan ilteşdirmek, serişdirip, gerişdirip goýmak. – *Getir, Orazsoltan eje, ýanlyklaryňy hem asyşdyraýyn* (H. Derýaýew). **2**. Dara çekip çykmak.

**ASYŞMAK**, *işl.* **1**. Asmaga kömekleşmek. *Penjirä tuty asyşmak*. **2**. Bilelikde asmak. *Olar ýuwlan eşikleri ýüpden asyşyp ýör*.

**ASYÝA** [a:syýa], *at, k. d.* Suw degirmeni. *Daş asyýa bolmaz küdüň urmasaň, Hiç kemal iş tapmaz, köňül bermeseň* (Talyby).

**ASYÝAMAN** [a:syýama:n], *at, k. d.* Kilwan, degirmençi.

**AŞ**, *at.* **1**. Iýilýän naharlaryň umumy ady, nahar-şam, hörek. *Myhmana aş goý, Iki elini boş goý* (Nakyl). *Çörek çeýneý bilmez, talhandyr aşy, Dert ýamany garrylykdyr, ýaranlar* (Magtymguly). *Ýagşy diýrler mäş, bürünji, Kem dälsiň hiç aşdan, bugdaý* (Mätäji). **2**. Ýaýylan hamyrdan kesilip taýýarlanylýan nahar, unaş. *Gatykly aş. Jazly aş. Aş bişirmek. Aş kesmek.*

◊ **Aş dosty** diňe ýagşy gününde aşyňy iýmek üçin dostlaşýan adam. *Hakyky dost diýip tirkeşip ýörenim baş dosty däl-de aş dosty eken*. **Aşa düşmek** artyk ýa-da ýakmaz zat iýilmegi sebäpli aşgazanyň işleýşi bozulmak. **Aş bermek** öleniň hatyrasyna hudaýýoly bermek, sadaka bermek. **Aş pyçak** hojalykda ulanylýan ýuka ýüzli pyçak. *Munuň bitirjek işini özüňde gaýrat we gudrat bolsa, ýeri gelende aş pyçagam bitirer* ("Görogly"). **Aş saýlamak** aýal maşgalanyň göwresinde çaga galmagy netijesinde dürli nahara isleg döremek, agzy bimaza bolmak. **Aşyna zäher (awy) gatmak** biriniň gününi bulamak, parahat durmuşyny bozmak.

**AŞA** [a:şa], *syp.* Ölçegden ýokary, gereginden köp, bolmalysyndan artyk, öte, agdyk. *Kakasy, sen gaty aşa gepleýärsiň, seň her-nä bolşuň şeýle* (N. Saryhanow).

◊ **Aşa gitmek** gaty gitmek, öte gitmek, çenden çykmak, hetden aşmak.

**AŞAK** [aşa:k], *at.* **1**. Bir zadyň düýbi, asty, teýi. *Keçäniň aşagy*. **2**. Eňaşak, ýapaşak. *Ýol bilen aşak indik.* **3**. Ýere tarap, aşaklygyna, ýokardan pese. *Şir kertiň gyrasyna gelip, hemişeki edähedine görä, aşak seretdi* ("Edebiýat we sungat"). **4**. Günüň batýan tarapy, günbatar-demirgazyk tarap. *Aşak tarapdan şemal öwsüp ugrady.*

◊ **Aşagyna suw giden ýaly bolmak** özüni aýyply saýyp, ynjalygy gaçmak. **Aşagyna telpek oklamak** wejera etmek, masgaralamak. **Aşagy ýumakly ýaly** ynjalykly oturyp bilmeýän.

**AŞAKDAKY** [aşa:kda:ky], *syp*. **1**. Yz ýanynda getirilen, aşak ýanynda görkezilen (ýazgynyň içinde). *Şu aşakdaky meselelere garaldy.* **2**. Peslikdäki, aşak tarapdaky, aşak ýüzdäki.

**AŞAKLAMA** [aşa:klama], *iş ady.* Aşaklamak ýagdaýy.

**AŞAKLAMAK** [aşa:klamak], *işl.* **1**. Aşak düşmek, pese düşüp başlamak, peselmek. *Uçar birden öwrüm etdi-de, gonmak üçin aşaklap başlady.* **2**. Arzanlamak, bahasy peselmek, arzanlap başlamak. *Önümiň bazar nyrhy aşaklaýar.*

**AŞAKLAMAKLYK** [aşa:klamaklyk], *iş ady.* Aşaklamak ýagdaýy.

**AŞAKLANDYRMAK** [aşa:klannyrmak], *işl.* Aşak düşürmek, beýikligini peseltmek; arzanlatmak.

**AŞAKLATMAK** [aşa:klatmak], *işl.* Aşaklamak derejesine ýetirmek. **2**. Bahasyny peseltmek, arzan etmek, arzanlatmak. *Önümiň düşýän gymmatyny aşaklatmak.*

**AŞAKLAÝYŞ** [aşa:klaýyş], *iş ady.* Aşaklamak ýagdaýy.

**AŞAKLY** [aşa:kly], *at*, *gepl.d.* Türkmenistanyň günbatar etraplarynyň ýaşaýjysy.

**AŞAKLYGYNA** [aşa:klyğna], *hal.* **1**. Aşak tarapa, pese, pessaýlap, eňaşak, ýapaşak. *Durnalar toplumy bilen uly zenzele turzup, aşaklygyna eňdiler* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *gepl.d.* Günüň batýan tarapyna, günbatar-demirgazyga.

**AŞAKLYK** [aşa:klyk] **I**, Aşakda, pesde bolmaklyk.

**AŞAKLYK** [aşa:klyk] **II: aşaklyk bilen** duýdurman, aç-açan däl ýagdaýda, ogrynça. *Her halda, olam ony okap eşitmegiň arzuwyny aşaklyk bilen edýän eken* (N. Saryhanow).

**AŞAKY** [aşa:ky], *syp.* Aşakda ýerleşen, aşakdaky, pesdäki.

◊ **Aşaky işik ýaly (adam)** kiçigöwünli, ýer ýaly adam. *Ol aşaky işik ýaly adamdyr*.

**AŞAK-ÝOKARY** [aşa:k-ýokory], *hal.* Pese-belende, aşakdan ýokaryk, ýokardan aşak. *Tolkun gaýygy aşak-ýokary yraýardy.*

**AŞAK-ÝOKARYK** [aşa:k-ýokoryýk], *hal, ser.* **Aşak-ýokary**.

**AŞAŇKYRLAMAK** [a:şaňkyrlamak], *işl.* Aşmaga ýakynlamak, aşjak-aşjak bolup duran derejä ýetmek.

**AŞGAR** [aşğar], *at.* **1**. Lakmus kagyzyny gök reňke öwürýän iýiji birleşme. **2**. Çogan, garagan, sazak, çerkez we ş.m. ösümlikleriň külünden gaýnadylyp alynýan zorly, iýiji suwuklyk.

◊ **Aşgar ýaly** ajy, awy ýaly, daglap barýan.

**AŞGARLABERMEK** [aşğarla:vermek], *işl.* Aşgarlap başlamak; aşgarlamagy dowam etdirmek.

**AŞGARLAMA** [aşğarlama], *iş ady.* Aşgarlamak ýagdýy.

**AŞGARLAMAK** [aşğarlamak], *işl.* Aşgara ýatyrmak, aşgara salmak.

**AŞGARLAMAKLYK** [aşğarlamaklyk], *iş ady.* Aşgarlamak ýagdaýy.

**AŞGARLAMAZLYK** [aşğarlamazlyk], *iş ady.* Aşgara ýatyrmazlyk.

**AŞGARLANMAK** [aşğarlanmak], *işl.* Aşgara ýatyrylmak, aşgara salynmak.

**AŞGARLAŞMAK** [aşğarlaşmak], *işl.* **1**. Aşgarlamaga kömek etmek. **2**. Bilelikde aşgarlamak.

**AŞGARLATDYRMAK** [aşğarlatdyrmak], *işl., ser.* **Aşgarlatmak**.

**AŞGARLATMAK** [aşğarlatmak], *işl.* Aşgarlamak işini başga birine etdirmek; aşgarlamaga ýol bermek; aşgarlamaga mejbur etmek.

**AŞGARLAÝJY** [aşğarlaýjy], *at.* Aşgara ýatyrmak bilen meşgullanýan, aşgara ýatyryjy.

**AŞGARLAÝYŞ** [aşğarlaýyş]**,** *iş ady.* Aşgarlamak ýagdaýy.

**AŞGARLY** [aşğarly], *syp.* Aşgary bolan, aşgarlanan, aşgara salnan. *Ol üzümi sermezinden öň aşgarly suwa sokup çykarýardy*.

**AŞGARLYK** [aşğarlyk], *syp.* Aşgara ýaraýan, aşgar üçin gerek, aşgar üçin niýetlenen.

**AŞGAZAN** [aşğa:zan], *at.* Adamlarda we haýwanlarda nahar siňdirýän agza.

**AŞHANA** [aşha:na], *at.* Nahar-şam taýynlanýan jaý, otag.

**AŞLYK**, *syp.* Aş etmäge degişli, aşa gerekli. *Aşlyk un. Aşlyk gatyk.*

**AŞMA** [a:şma], *iş ady.* Aşmak ýagdaýy. *Saçbagyň ujunyň simdir işmesi, Üstüňden ýol düşse, kyndyr aşmasy* (Magtymguly).

**AŞMAK** [a:şmak], *işl.* **1**. Aňyrsyna geçmek, ötmek. *Aýna üç-dört geriş aşdy* (B. Kerbabaýew). **2**. Bir ýerden ikinji ýere gitmek, ýetmek, bir ýere özüňi atmak. *Sen başga bir ýurda aşaýmasaň, Hüňkar seniň tohumyňy tüketjek* ("Görogly"). **3**. Belli bir möçberden artmak, ötmek, agmak. *Onuň ýaşy ýaňy otuzdan aşypdy.* **4**. Argaşmak, basmak (mal hakynda).

◊ **Dabarasy dag aşmak** at-owazasy ýaýramak.

**AŞMAKLYK** [a:şmaklyk], *iş ady.* Aşmak ýagdaýy.

**AŞMAZLYK** [a:şmazlyk], *iş ady.* Aşmak hereketini etmezlik.

**AŞNA** [a:şna], *at.* **1**. Dost, dost-ýar, tanyş. *Peýdasyz perişdeden aşna döw ýagşy* (Nakyl). *Gel, köňlüm, nesihat berem, Aşna bolma gende bile* (Talyby). **2**. Gadyrdan. *Ýok, aşna, bu dogry däl!*

**AŞNALYK** [a:şnalyk], *at.* Dostluk, tanyşlyk. *Aşnalyk aňsat, aýralyk çetin* (Nakyl). *Aşnalyk duş bolsa, her akyl merde, Jyda bolsa galar tükenmez derde* (Kätibi).

**AŞPEZ**, *at.* Naharhanalarda nahar bişiriji. *Aşpez ýigit.*

**AŞPEZLIK**, *at.* Aşpeziň käri. *Sözüm ýokdur aşpezligiň barada: Bir kilogram et aldyň-da arada, Kebap etdiň, hezil edip iýdik biz, Ýaşyň uzak bolsun, aşpez, diýdik biz* (M. Seýidow).

**AŞ-SUW**, *at.* Iýmek-içmek üçin zerur zatlar, iýgi-içgi.

◊ **Aş-suwuny bermek** ölen adamyň hatyrasyny tutup, hudaýýoly etmek.

**AŞYBERMEK** [a:şyvermek], *işl.* Aşmaga girişmek, aşmaga başlamak.

**AŞYGANA** [a:şyğa:na], *syp.* Aşyga has bolan, yşky. *Wüşi kel Bahara öz aşyklygyny duýduryp, bir-iki sapar aşygana hat hem ýazypdy* (A. Gowşudow).

**AŞYGOTY** [aşyğoty], *at, ösüml.d.* Ýapragy çalymtyk reňkli, maýdaja tohumly haşal ot.

**AŞYK**, *at.* **1**. Dowaryň art aýagynyň injik süňki bilen but süňküni birleşdirýän başam barmagyň başy ýaly ululykdaky süňk. **2**. Şol süňk bilen oýnalýan milli oýun. *Deň-duşlary bilen aşyk, çilik, top we başga oýunlar oýnar ýaly boldy* ("Görogly"). **3**. Hyrly tüpeňiň aýagyny gundaga birleşdirýän, aýagy herekete getirýän ýumruja agaç.

◊ **Aşygy alçy gopmak (oturmak)** döwi sürmek, bagty getirmek, edeni ugruna bolmak, güni gelmek. *Altyn aşygym, alçy gop!* (Halk döredijiliginden). *Aşyr han, adama dost hem, garyndaş hem onuň aşygy alçy oturan wagtynda tapylýardy* (B. Kerbabaýew).

**AŞYK** [a:şyk] **I**, *at.* **1**. Yşka düşen, söýýän, biriniň ugrunda perwana bolan, birine göwni giden, söýgüli. *Hak aşyklar näzli ýaryň jemalyn, Bir görsem diýp, gije-gündiz zar eýlär* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Bir zadyň çyndan hyrydary, höwesegi. *Men adyňa aşyk gözel Aşgabat!* (Aýdym).

**AŞYK** [a:şyk] **II**, *at, kön.s.* Aýdymyň sözlerini, sazyny özi düzüp, özi ýerine ýetirýän ussat, ozan.

**AŞYKLY**, *at.* Art aýagyň but bilen injik süňküniň birleşýän ýeri, aşyk ýerleşýän ýer.

◊ **Aşyklyň eti ýaly** sal-sal, salham-sajak.

**AŞYKLYK** [a:şyklyk] **I**, *at.* **1**. Yşka düşen halda bolmaklyk, biriniň ugrunda perwanalyk, aşyk bolmaklyk. *Näçe aýdyr aşyklyk dumany başyndan gitmeýärdi* (G. Kulyýew). **2**. *göç.m.* Bir zada ölemen hyrydarlyk, bir zadyň aşygy bolmaklyk.

**AŞYK-MAGŞUK** [a:şyk-magşu:k], *at.* Söýýän we söýülýän, biri-birini söýýän oglan we gyz. *Aşyk-magşuk biri-birine gowuşsa, Ýüz ýyl döwran sürse, heniz az bolar* (Seýdi).

**AŞYKTORBA** [aşykto:rvo], *at.* Aşyk salmak üçin ýörite esgi torba.

**AŞYLMAK** [a:şylmak], *işl.* **1**. Aňyrsyna geçilmek, ýetilmek. *Haýatdan aşyldy.* **2**. Bir ýerden ikinji ýere gidilmek, ýetilmek.

**AŞYR** [a:şyr] **I**, *at.* **1**. Kamary aý atlarynyň türkmenlerde atlandyrylyşy boýunça birinji aýynyň ady. *Aşyr aýy.* **2**. Oglana dakylýan at.

**AŞYR** [a:şyr] **II: aşyr atmak** başyň aşak, aýaklaryň ýokaryk bolup aşyrylmak, kelläň üstünden göwräňi aşyrmak, başaşak agdarylmak. *Bularyň biri aşyr atýar, ýoldaky daşlary aýagy bilen depýär, togalaýar* (Halk ertekisinden).

**AŞYRATDY** [a:şyratdy], *at.* **1**. Çöpi gözenek çyzyklaryň üstünden aşyryp oýnalýan gadymy milli oýun. **2**. Aşyr atyp oýnalýan çaga oýny.

**AŞYRAW** [a:şyrow], *hal, gepl.d.* Öte, gaty, juda, çendenaşa. *Men siziň ýaly mahalym aşyraw ýakymsyzdym* (A. Gowşudow).

**AŞYRMA** [a:şyrma], *iş ady.* Aşyrmak ýagdaýy.

**AŞYRMAK** [a:şyrmak], *işl.* **1**. Bir zadyň üstaşyry geçirmek. **2**. Bir ýerden ikinji ýere ýetirmek, äkitmek, getirmek. *Indi bu zatlary öýe aşyrmaly.* **3**. Belli bir derejeden artdyrmak, geçirmek. *Iki günde ýüzden aşyryp ýumurtga berýärdi.*

**AŞYRMAKLYK** [a:şyrmaklyk], *iş ady.* Aşyrmak ýagdaýy.

**AŞYRTMAK** [a:şyrtmak], *işl.* Aşyrmak işini başga birine etdirmek.

**AŞYRY** [a:şyry], *at.* Kürtäniň, köýnegiň we ş.m. egninden aşyrylyp, boýuna goýberilýän bir in mata bölegi (köýnek bölek matadan biçilende eginde aşyry tikinli bolýar.). *Köýnegiň aşyrysy*. *Aşyrynyň öň tarapyndan ýaka açylýar*.

**AŞYRYLMAK** [a:şyrylmak], *işl.* **1**. Bir zadyň üstaşyry geçirilmek. *Ýabyň içinden çykarylyp, raýyşdan aşyrylyp zyňlan palçyklar doňup, biri-biriniň üstünde dagyň daşy ýaly bolup ýatyrdy* (B. Seýtäkow). **2**. Bir ýerden ikinji ýere ýetirilmek, äkidilmek, getirilmek. *Bu zatlar bu ýere nähili aşyryldy?* **3**. Kelemenläp gaýtmak. *Serkerde şahyr hem atyň kellesiniň üstünden aşyrylyp, tasdan boýnuny oňurdan eken* (N. Pomma).

**AŞYRYM** [a:şyrym] **I**, *at,* **1**. Eginden aşyrylyp dakylýan guşagyň ady. **2**. Dagyň, belentligiň üstünden geçýän ýol.

**AŞYRYM** [a:şyrym] **II**, *at.* Tapgyr, toplum. *Ýel bir-iki aşyrym geleninden soň ýatdy.*

**AŞYRYM-AŞYRYM** [a:şyrym-a:şyrym], *syp.* Tapgyr-tapgyr, birden-birden; güýjäp-gowşap. *Diňe aşyrym-aşyrym gelýän şemal agyr çägäni tolkunyň serpindisi ýaly sowurýardy-da, derrew geçip gidýärdi* (B. Kerbabaýew).

**AŞYRYŞ** [a:şyryş], *iş ady.* Aşyrmak ýagdaýy.

**AŞYRYŞMAK** [a:şyryşmak], *işl.* **1**. Aşyrmaga kömek etmek. **2**. Birnäçe bolup bilelikde aşyrmak. *Iki sany adam haltalary haýatdan aşyryşyp durdular*.

**AŞYŞ** [a:şyş], *iş ady.* Aşmak ýagdaýy.

**AŞÝAN** [a:şýa:n], *at, k. d.* Höwürtge. *Leýli pyrakynda Mejnunyň çölde kellesinde guşlar aşýan edendir* (Zelili).

**AT**, *at.* **1**. Münmek, çapmak üçin ýa-da iş maly hökmünde ulanylýan ýeke toýnakly öý haýwany, bedew. *Agaç ekeni biler, at – bakany* (Nakyl). *At rysgaly alnynda* (Nakyl). *Görogly beg, saba söweş gurular, Ozal goç ýigidiň aty urular* ("Görogly"). *At gazanar goç ýigidiň, Owwal bedew aty gerek* (Magtymguly). **2**. Küşdüň at kelleli maly. *Agaçdan ýonup, perzi, pil, ruh, şa, at ýasapdyrlar* (A. Gowşudow).

◊ **Ata çykmak** söweşe şaýlanmak, göreş ýoluna düşmek. *Ýarag alyp, ata çykyp, aňly bolsa ýer ýoldan, Berimli, pähimli hany gerekdir* (Mätäji). **At gaýtarym** bakylýan atlar yzyna gaýtarylýan aradaşlyk. **At goýmak (salmak) 1)** atly hüjüme geçmek, atly okdurylmak. *Bir tanap golaýa gelen mahalynda birden at goýdular* ("Görogly"). *At salanda doňuz kimin topulyp, Aýylaýyn asylyşy gerekdir* (Magtymguly). **2)** ýüzüň ugruna bir ýana ylgap gitmek, ulagly ýa pyýada bir ýana çalt eňmek. **At güýji** ulag güýjüni ölçeýiş birligi. **At oýnatmak** köpbilmişlik etmek, sapalak atmak; mönsüremek. *At oýnatjak bolma!* **At tezegini guratmazlyk** bir ýere yzyny kesmän gatnamak, zol-zol baryp irizmek. *Ol adam at tezegini guratman, bize gelýär.* **Atyň gulagy ýaly** tapawudy ýok, haýsy bolsa, şol bolsun, barybir. **Atyňy ýeke çapmak** öz eňegiňe tutmak, maslahata gelmän, ýeke çykmak, diňe öz pikiriňi dogry saýmak. *Sen atyňy ýeke çapma.* **At ýüzli** süýnmegräk ýüzli, uzynak, süýri ýüzli. *At ýüzli adam.*

**AT** [a:t], *at.* **1**. Adam dünýä inende ony atlandyrmak üçin berilýän isim, söz. **2.** Ýer-ýurda, deňiz-derýa, öý haýwanlarynyň käbirine we ş.m. dakylýan aňlatma. **3**. Edaranyň, kitabyň, makalanyň we ş.m. sözbaşysy; bir ýere berilýän, dakylýan isim. *Işikde edaranyň ady ýazylan ýazgy bardy.* **4**. Il içine ýaýran dabara, abraý, şöhrat, jemagat tarapyndan berilýän baha. *Älem içre adam galmaz, at gezer* (Nakyl). *Namart gorkar goç ýigidiň adyndan, Öýünde telmürer merdiň badyndan* (Magtymguly). **5**. Lakam, tahallus. **6**. *dil b.* Söz toparlarynyň biri. *Atlar kim? näme? nire? diýen soraglara jogap bolýar.*

◊ **At dakmak 1)** doglan çaga şahsy at bermek, isimini belli etmek. *Çagamyza at dakmagy garryja enemize ynandyk.* **2)** biriniň işine, bolşuna göwnüýetmezçilik etmek, erbet diýmek, dil ýetirmek. **At gazanan** *göç.m.* ady ile belli, ady il içine ýaýran.

**At gazanmak** bir ugurdan şöhrata eýe bolmak, ady il içine dolmak. *At gazanan goç ýigidiň, owwal bedew aty gerek* (Magtymguly). **At tutarlyk** biriniň adyny tutmak üçin (toý ýerinde berilýän kiçijik sowgat ýa-da başga bir zat hakda). *Maňa-da at tutarlyk diýip şu düwünçegi iberipdirler*. **At ýitiren** öz at-abraýyny basgylap, il masgarasy bolan.

**ATA**, *at.* **1**. Çaganyň kakasynyň kakasy, kakaň kakasy. **2**. Kaka. *Ertir tur-da ataňy gör, atańdan soň atyňy* (Nakyl). *Atań barka dost gazan, atyň barka ýol gazan* (Nakyl). *Çäräm ýokdur atam kylan işini, Goýber, ahun, ýarym bilen gideýin* ("Zöhre – Tahyr"). *Magşar güni gaýgysyz girer behişde, Her kim çyndan bolsa dosty atamyň* (Magtymguly). **3**. Öňki nesil, ata-baba. **4**. Çaga gören, perzentli bolan erkek adam. *Tüweleme, ogluňyz hem ata bolupdyr.* **5**. Ýaşululara hormat, sylag hökmünde aýdylýan söz. *Ata, ýör, men seni köçeden geçireýin!* **6**. Geçmişde ýaşap geçen beýik we mukaddes şahslaryň adynyň yzyna goşulyp gelýän söz. *Adam ata. Hydyr ata. Gorkut ata. Arçman ata. Gaýtarmyş ata.* **7**. Adam üçin iň mähriban we ýakyn (watan, ýurt hakynda). *Ata Watan*.

◊ **Atalar sözi** *edeb.* türkmen halk döredijiliginiň bir görnüşi. *Atalar sözi – akylyň gözi* (Nakyl). **Atamdan aňry git!** "jähenneme git, owarra bol, ýok bol!" manysynda ulanylýan aňlatma. **Atam döwründe** gadym wagtda, mundan ençe wagt ozal. **Atamyň öljegini bilen bolsam, duza satardym (çalşardym)** öňünden bilen bolsam, beýle etmezdim. **Atań ýagşy, eneň ýagşy diýmek** ýalbar-ýakar etmek, birini bir iş etmäge yrmak, ýalbarmak. **Ata sakgaly eňegiňe çykmak** jahyl çykmak, ýetişmek, uly adam bolmak. **Atasyny ýakmak (ýandyrmak)** hötdesinden gelmek, oňarmak, başarmak. **Atasy ölen ýaly** gaýgyly, gamgyn. **Atasy öý** gyz maşgalanyň ene-atasynyň öýi, özüniň dogup-döräp, kemala gelen ojagy. **Atasy ugramak** bir zady halamadyk ýagdaýynda gaty gahary gelmek, ugry bolmazlyk. *Okajak diýsem, atasy ugraýar.* **Garry ata** öz kakaň kakasynyň kakasy. **Gaýyn ata** adamsynyň (äriniň) kakasy (aýal babatynda), aýalynyň kakasy (äri babatynda).

**ATA-BABA** [ata-va:va], *at.* **1**. Nesil, nebere boýunça ýaşap geçen adamlar, bir halkyň, milletiň bütin geçmişdäki asly. **2**. *göç.m*. Ömürboýy, hemişe; öňden bäri, gadymdan bäri. *Bu ýerler biziň ata-baba Watan diýip gezen ýerlerimizdir.*

**ATABEG** [ataveğ]**,** *at, taryh.* Geljekde çagany döwlet işgäri edip ýetişdirmek üçin oňa harby, syýasy ugurdan terbiýe berýän adam.

**ATABEGLIK** [ataveğlik], *at, taryh*. **1**. Atabegiň kesp-käri, ýagdaýy. **2**. Atabegler tarapyndan döredilen döwlet, hökümdarlyk.

**ATABIR** [atavi:r], *syp.* Bir atadan bolan, atalary bir. *Olar atabir dogandylar.*

**ATABIR-ENEBIR** [atavi:r-enevi:r], *syp.* Bir atadan we bir eneden bolan, atasy-enesi bir, süýtdeş, öweý bolmadyk. *Ol ikisi atabir-enebir dogandy.*

**AT-ABRAÝ** [a:d-a:vyraý], *at.* Il içine ýaýran şöhrat hem abraý, abraýa eýe bolan at.

**ATADAŞ**, *at.* Golaý garyndaş, atalary bir bolan adamlar. *Ýasa girip, matam tutup, Atadaş, babadaş galdy* (Zelili).

**ATA-ENE** [at(a)-ene], *at.* Çaganyň kakasy we ejesi. *Atanyň-enäniň täzesi bolmaz, gyzylyň, kümüşiň – könesi* (Nakyl).

**ATA-ENELIK** [at(a)-enelik], *syp, at*. **1**. Ata-enä degişli, ata-eneden gaýdýan.

**ATAGZY** [atağzy], *at.* Bir zady gysyp tutmak we çekip çykarmak üçin ulanylýan iki sally, agyzly gural (iş abzaly).

**ATALABERMEK** [atala:vermek], *işl.* Atalap ugramak, ýanyna köp barybermek. *Adamlaryň ýanyna atalaberseň, halanjagyňy bilýärmiň?*

**ATALAMA**, *iş ady.* Atalamak ýagdaýy.

**ATALAMAK**, *işl.* Gerek bolsa-bolmasa, biriniň ýanyna köp barmak, üstüni alyp durmak.

**ATALAMAZLYK**, *iş ady.* Atalap durmazlyk.

**ATALANMAK**, *işl.* Atalap durulmak.

**ATALAÝYŞ**, *iş ady.* Atalamak ýagdaýy.

**ATALAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup bilelikde atalamak. *Näme beýdip onuň üstüne atalaşyp dursuňyz!*

**ATALATMAK**, *işl.* Atalamaga ýol bermek, ýanyňa getirmek. *Olary üstüňe ataladyp durma-da, ýumşuny bitirip bolýan bolsa, derrew bitiräýerler.*

**ATALY**, *syp*. Kakasy ýaşap ýören, kakasy diri, kakasy bilen bile bolup ýören. *Ataly çaga bilen atasyz çaga terbiýe bermegiň arasy ýer bilen gök ýaly*.

◊ **Ataly ogul** kakasy bilen ogly, ata-ogul.

**ATALYK**, *at, syp.* **1**. Ata bolmak ýagdaýy, derejesi. **2**. Ata mahsus, ata wezipesine degişli. *Sarsmaz döwletimiziň özüňiz hakyndaky edýän atalyk aladalary bilen ruhlanyp, altyn pelleriňizde entek bar bolan gallany zaýasyz ýygnap, indiki arzyly sepgitleriňize-de abraý bilen ýetjekdigiňize berk ynanýaryn* ("Türkmenistan"). **3**. Öweý ata; ata terbiýesini berip, hossar çykan, howandar. *Ärhasan atalygy Göroglynyň ýanyna bardy* ("Görogly"). **4**. *ser.* **Atabeg. 5.** *gepl.d.* Gaýyn ata. **6**. Oglana dakylýan at.

◊ **Atalyk etmek** ata borjuny berjaý etmek, ata hökmünde terbiýe bermek, ulaltmak. *Ol agyr maşgala atalyk edýär.*

**ATAN**, *at.* Biçilen erkek (düýe hakynda).

**ATANAK**, *at.* **1**. Iki çyzygyň, agajyň, dik ýa-da ýatyk halda kesişmeginden emele gelýän şekil. **2**. Ýüp işilende,

bükdürilende goşmak alamaty görnüşinde ulanylýan gural. **3**. Esasan keçä, kiçi palaslaryň, sallançaklyk kilimleriň ortasyna salynýan haçja görnüşli nagyş. **4**. Iki metr aralygy görkezýän ″A″ harpy görnüşli ýer ölçelýän ölçeg enjamy. **5**. *gepl.d.* Kart oýnunda goşmak şekilli gül. **6**. Düýä salynýan tagma.

◊ **Atanak çekmek** bir zady puç hasap etmek, sana goşman goýmak, sandan galdyrmak, derege ýaramaýar diýlip bellenmek. *Beýle diýip, onuň ýüzüne bütinleý atanak çekmek bolmaz.*

**ATANAKLAÝYN**, *hal.* Atanak görnüşinde, atanak şekilli, biri-biriniň üstünden keseligine kesişdirilip goýlan.

**ATANLYK** [ata:nlyk], *at.* Duýdansyzlyk, säwlik, tötänlik.

**ATANLYKDA** [ata:nlykda], *hal.* Bilmezlikden, bilkastlaýyn edilmedik, tötänlikde, säwlikde.

**ATAN-SATAN**, *syp.* Tagaşyksyz, ädimini dürs basmaýan. *Ol garagaýçak, atan-satan agras bir ýigitdir* (B. Kerbabaýew).

**ATAŇKYRLAMAK**, *işl.* Atylýan derejä golaýlamak.

**ATARMA**, *iş ady.* Atarmak ýagdaýy.

**ATARMAK**, *işl.* **1**. Gazany ojagyň, taganyň üstünde goýmak. *Äpet gazanlary getirip, düýnki gazylan ojaklaryň üstüne atardylar* (B. Seýtäkow). **2**. Nahar bişirmäge başlamak. *Biz bolsa öýe baryp, haýdan-haý gazan atarmak bilen bolduk* (N. Baýramow). **3**. *göç.m.* Ugratmak, ýola salmak. *Myhmany atar, başyňy gutar* (Atalar sözi).

**ATARMAKLYK**, *iş ady.* Atarmak ýagdaýy.

**ATARMAN-ÇAPARMAN**, *syp.* Batyr, edermen, dogumly.

**ATARMAZLYK**, *işl.* Atarmak işini etmezlik.

**ATARTDYRMAK**, *işl., ser.* **Atartmak**.

**ATARTMAK**, *işl.* Atarmak işini başga birine etdirmek; atarmaga mejbur etmek; atarmaga mümkinçilik bermek, ýol bermek. *Ir bilen erkek adamlar köp sanly gazan atartdylar.*

**ATARYBERMEK** [ataryvermek], *işl.* Ataryp ugramak, atarmaga girişmek. *Indi gazanlary ataryberseňizem bolar.*

**ATARYLMAK**, *işl.* Atarmak işi edilmek. *Goýun soýulmaga durdy, gazan atarylmaga başlady. Ojakçalarda gazançalar atarylyp, tagançalarda taňkalar goýulýardy* (B. Kerbabaýew).

**ATARYNMAK**, *işl.* Özüň üçin atarmak. *Ol nahar ataryndy.*

**ATARYŞ**, *iş ady.* Atarmak ýagdaýy.

**ATARYŞMAK**, *işl.* **1**. Atarmaga kömekleşmek. *Gazan ataryşmak.* **2**. Bilelikde atarmak. *Toý naharyny bişirmeli adamlar mähnet gazanlary ataryşyp ýördüler.*

**ATASYZ**, *syp.* Atasy bolmadyk, atasy ýok.

**ATASYZLYK**, *at.* Atasyz halda bolmaklyk, atasyz galmaklyk, atasy ýokluk.

**ATAŞ** [ataş / a:taş], *at, şahyr.* **1**. Ot. **2**. *göç.m.* Köýdürýän duýgy. *Mert aşygyň şirin janly, Yşkyň ataşynda ýandy* (Magtymguly). *Dowzah meni ýaka bilmez, Ýanyp men ataşlaryňa* (Mollanepes).

**ATAŞLY** [a:taşly], *syp, şahyr.* Ýakyp-ýandyryp barýan, ýalynly.

**ATAŞPARAZ** [a:taşparaz], *at.* Oda ybadat edýän, oňa çokunýan adam, otparaz.

**ATAŞPARAZLYK** [a:taşparazlyk], *at.* Oda ybadat etmeklik, ody hudaý hasap edip, oňa çokunmaklyk.

**AT-AT**, *at.* Milli oýun. *At-at oýny kiçi ýaşly çagalaryň arasynda giňden ýaýrap, halanylyp oýnalýan oýunlaryň biridir* (A. Jykyýew).

**ATAÝRY**, *at.* Möý şekilliler maşgalasynyň bognaýaklylar toparyna degişli zähersiz mör-möjek.

**ATBAKAR**, *at.* **1**. At idediji, ata seredýän; ýylkyban. *Atbakar oglan sesini çykarman, buýrugy berjaý etmäge ýumlukdy* (H. Derýaýew). **2**. Mör-möjegiň bir görnüşi.

**ATBAŞÇY** [atbaşşy], *at, däp-dess.* Gelin edinilende, gyzy getirmäge gidýän atlylar, öňatly.

**ATBAŞÇYLAMAK** [atbaşşylamak], *işl., däp-dess.* Gelin alnanda, atbaşçy bolup gitmek, atbaşçy ýollap, gelin alyp gelmek.

**ATÇAPAR**, *at.* **1**. Çapyksuwar. **2**. Oglana dakylýan at.

**ATÇAPYŞYK**, *at.* At ýaryşdyrmak arkaly geçirilýän milli oýun, ýaryş. *Biz atçapyşyk meýdanyna ýetenimizde, giden ýaýlada adamlar şowhun edip ýördüler* (″Nesil″).

**ATÇYLYK**, *at.* Oba hojalygynyň at ösdürip ýetişdirmek bilen meşgullanýan pudagy.

**ATDAŞ**, *at, küşt.* At mallarynyň biri-birine düşüp duran ýagdaýy. *Atlar atdaş durlar. Aty atdaş atmak.*

**ATDAŞ** [a:tdaş], *syp.* Atlary meňzeş, meňzeş atly, ikisine-de bir at dakylan. *Salam, atdaş, işler niçik?*

**ATDAŞLYK** [a:tdaşlyk], *at.* Meňzeş atlylyk, bir atlylyk, ady bir bolmaklyk.

**ATDYRMAK**, *işl.* Atmak işini başga birine etdirmek, atmaga mejbur etmek. *Kül atdyrmak. Hapa-hupany atdyrmak.*

**ATEIST** [ateýi:st], *at.* Ateizmiň tarapdary, hudaýyň barlygyny inkär edýän adam.

**ATEISTIK** [ateýistik], *syp.* Ateizm taglymatyna daýanan, esaslanýan; ateizme degişli.

**ATEIZM** [ateýi:zim], *at.* Hudaýyň barlygyny inkär edýän taglymat.

**ATELÝE** [atelýe:], *at.* Kiçiräk tikinçilik, fotografiýa we ş.m. kärhanasy.

**ATGAÝYŞ** [atgaýyş], *iş ady.* Atgamak ýagdaýy.

**ATGAMA** [atgama], *iş ady.* Atgamak ýagdaýy.

**ATGAMAK** [atgamak], *gepl.d., ser.* **Atygsamak**. *"Towşana dogduk depe" diýselerem, meniň köňlümiň köp bölegi size tarap atgaýar* (N. Pomma).

**ATGAMAKLYK** [atgamaklyk], *iş ady.* Atgamak ýagdaýy.

**ATGAMAZLYK** [atgamazlyk], *iş ady.* Atgap durmazlyk.

**ATGARLAWAÇ** [atgarlowa:ç], *at, haýwanat d.* Adaty garlawaçdan ulurak sarymtyl-gara reňkli guş.

**ATGARYNJA** [atgarynja], *at, haýwanat d., ser.* **Atlygarynja.**

**ATGULAK** [atgulok] **I**, *at, ösüml.d.* Ýapraklary uzyndan ýasy, kiçijik gülli, soňabaka hurmalaýan ot.

**ATGULAK** [atgulok] **II**, *at, däp-dess.* Gelin edinýäne toýdan öň eltilýän toý goşandy, çatylan jübüt ýaglyk, mata we ş.m. zat. *Atgulak asmak.*

**ATGULAKLYK** [atgulokluk], *syp.* Atgulak etmek üçin niýetlenen, atgulaga ýarar ýaly (ýaglyk, mata-marlak ). *Men bu gün bazardan atgulaklyk aldym.*

**ATGYÇ***, at.* Başa atylýan başatgyç, çargat ýa-da ullakan ýaglyk.

**ATGYR**, *syp.* **1**. Gowy atýan, dogry atýan, nyşana dürs urýan, mergen. **2**. Göni atýan (ýarag hakynda). *Atgyr tüpeň bilen çykyp şikara, Aýragyn, umgasyn atanym daglar* ("Aşyk Çaňly").

**ATGYRLYK**, *at.* Oňat, göni atmaklyk, nyşana göni degijilik (adam we ýarag hakynda). *Onuň tüpeňiniň atgyrlygyny iller gürrüň edýärler.*

**ATHANA** [atha:na], *at.* At saklanylýan jaý; at seýislenýän, idedilýän ýer, teblehana, atýatak.

**ATKEÇE**, *at.* Atyň arkasyna ýapylýan, örtülýän keçe.

**ATLANDYRMAK** [atlannyrmak], *işl.* **1**. Ata mündürmek. **2**. Birini bir ýere ugratmak, ibermek, ýollamak. *Ony nirä atlandyrjak bolýaň?*

**ATLANDYRMAK** [a:tlannyrmak], *işl.* **1**. *gepl.d.* Adyny aýtmak, adyny tutmak. *Pylany şeý diýýär diýip meni beýle atlandyrmaň-a bolanok.* **2**. At bermek, at dakmak. *Uruşda gurban bolanlary halkyň söwer ogullary diýip atlandyrýarys.*

**ATLANDYRYLMAK** [a:tlannyrylmak], *işl.* **1**. *gepl.d.* Ady aýdylmak, ady tutulmak. **2**. At berilmek, ady tutulmak.

**ATLANHA-ATLAN** [atlanha:-atlan], *at.* Ýerli-ýerden aýaga galmaklyk, ata atlanmaklyk.

**ATLANMA**, *iş ady.* Atlanmak ýagdaýy.

**ATLANMAK**, *işl.* **1**. Ata münmek, ata çykmak, ata, ulaga münüp ýola düşmek. *Atlanyp meýdan çykaly, Ganyma gyýa bakaly* (Magtymguly). *Atlanyň, beglerim, serden geçeýliň* ("Görogly"). **2**. *göç.m.* Bir ýana gitmek üçin ýola düşmek, bir ýere gidermen bolmak, şaýlanmak. *Şeýle hem bolsa, her sapar ýola atlananda ýüregi ezilýärdi, närahat pikirler üstüni basýardy* (G. Kulyýew).

**ATLANMAK** [a:tlanmak], *işl.* Adyň ýaýrap ugramak, at almak, adygyp başlamak; dabaraň artmak.

**ATLANMAKLYK**, *iş ady.* Atlanmak ýagdaýy.

**ATLANMAKLYK** [a:tlanmaklyk], *iş ady.* Atlanmak, adygyp başlamak ýagdaýy.

**ATLANMAZLYK**, *iş ady.* Ata münmezlik.

**ATLANYBERMEK** [atlanyvermek], *işl.* Atlanyp başlamak.

**ATLANYŞ**, *iş ady.* Atlanmak ýagdaýy.

**ATLAS** [a:tlas], *at.* Kartalar, haýwanlaryň, ösümlikleriň, adam organizmleriniň suratlary, her hili çyzgylar we ş.m. ýerleşdirilen albom ýa-da kitap şekilli ýygyndy. *Geografiýa atlasy. Adam anatomiýasynyň atlasy.*

**ATLAŞMAK** [a:tlaşmak], *işl., dil b.* At söz toparyna goşulmak, at hataryna geçmek.

**ATLAŞYŞ** [a:tlaşyş], *iş ady, dil b.* Atlaşmak ýagdaýy.

**ATLAÝYN**, *hal.* At münen ýaly, her aýagyňy bir ýana sallap. *Myrat öýüň içinde ýakynrak germelip goýlan direge atlaýyn mündi* (A. Gowşudow).

**ATLAZ**, *at.* Ýüpek matanyň ýüzi ýylmanak hem ýylpyldawuk dokalan görnüşi. *Merdi goýup, hyzmat etseň namarda, Gadryň bilmez, atlaz berseň biz bolar* (Seýdi).

**ATLETIKA** [atle:tika], *at.* Hertaraply fiziki taýýarlygy talap edýän sport maşklary.

◊ **Agyr atletika** sportuň ştanga götermek bilen baglanyşykly ýörite maşklardan ybarat bolan görnüşi. **Ýeňil atletika** sportuň ylgamak, ýöremek, bökmek, ýadro iteklemek we ş.m. görnüşleri.

**ATLETIKAÇY** [atle:tikaçy], *at.* Atletika bilen meşgullanýan sportsmen.

**ATLY**, *syp.* **1**. Aty bar bolan. *Bedew atly, demir donly Görogly* ("Görogly"). *Bir gije ýatyrdym tünüň ýarynda, Bir tört atly gelip: "Turgul!" diýdiler* (Magtymguly). **2**. Ata münüp oturan. – *Muhat aga, ol atly gitdimikä? – diýip, şol tegelek ýüzli ýigit ýene-de sorady* (N. Pomma). *Ol gelýän atly kim?* **3**. At münen nöker. *Soňra patyşa galada bar atlyny jemletdi* ("Görogly"). **4**. Oglana dakylýan at.

**ATLY** [a:tly], *syp.* **1**. Il arasynda ady ýaýran, ile özüni tanadan, şöhraty ile dolan, at gazanan. *Toýa atly bagşylar geldiler.* **2**. Adyndaky, at berlen, ady bolan. *Depderler içinde bir kitap gördüm, "Kysasyl enbiýa" atly, ýaranlar!* (Magtymguly).

**ATLY-ABRAÝLY** [a:tl(y)-a:vyraýly], *syp.* Ada we abraýa mynasyp bolan, at-abraý gazanan. *Atly-abraýly adam.*

**ATLYBAŞY** [atlyvaşy], *at.* Bir topar atlynyň başlygy, atly nökerleriň bir böleginiň öňbaşçysy.

**ATLYGARYNJA** [atlyğarynja], *at.* Aýaklary uzyn, bilinden ýokarsynyň reňki gyzyl öwüsýän, bilinden aşagy garamtyl bolan ýyndam hem uly garynja.

**ATLYK**, *at, taryh.* Ýerden, suwdan peýdalanmagyň gadymy bir görnüşi.

**ATLYKBAŞY**, *at, taryh.* XIX asyrda we XX asyryň başlarynda öz obasynda, tiresinde suw nobatyna gözegçilik edýän we mirabyň talap etmegi bilen ýaplary arçamak, gazy gazmak işlerine işgär çykarýan ýolbaşçy.

**ATLY-ÝARAGLY** [atly-ýarağly], *syp.* Aty-ýaragy bar bolan, söweş şaýy tutulan, söweş esbaby üpjün. *Atly-ýaragly adamlar.*

**ATMA**, *iş ady.* Atmak ýagdaýy.

**ATMA-AT** [a:tma-a:t], *hal.* Birin-birin adyny tutup.

**ATMAK**, *işl.* **1**. Ýaýdan, her bir ot açýan we atylýan ýaragdan ot açmak, ok ýagdyrmak. *Ýatyp galandan atyp gal* (Nakyl). *Sen, näme, tüpeň atyp bilýärmiň?* (A. Durdyýew). **2**. Ok bilen awlamak, tüpeňlemek; ýaýlamak. *Ýolda keýik kowalap, guş atyp, gün ýaşyp garaňky düşende, çopanlaryň goşunda ýatypdyrlar* (N. Pomma). **3**. *taryh.* Atuw jezasyny ýerine ýetirmek. **4**. Taşlamak, zyňmak. *Ýol üstünde ölsem, ýola atsalar, Razy men, üstümden basyp ötseler* (Magtymguly). **5**. Sepip ýa-da taşlap ekmek. *Ol ýere atan tohumyň yrýa gitmeýärdi* (A. Gowşudow). **6**. Nämedir bir zady örtmek, basyrmak. *Agylyň gapdalynda ýatan keçäni alyp, onuň üstüne atdy, biline çeki çekdi, irişmeledi* (G. Kulyýew). **7**. Sowrup saýlamak, ýele çekip saplamak (harman hakynda). *Bugdaý ekdim, harman atdym, Jary baryn bilmedim* (Türkmen halk döredijiliginden). **8**. Bir ýere özüni ýetirmek, barmak, baryp ýetmek. *Essim aýylyp, soňky demde, Zordan atdym oraçama* (K. Gurbannepesow). **9**. Bir zady biriniň üstüne ýüklemek, ýöňkemek. *Kakamy, ejemi razy etmegi hem şolaryň boýunlaryna ataryn* (B. Pürliýew). **10**. Bir zady ikinji bir zadyň üstüne goýmak, taşlamak, çykarmak. *Ol diwanda oturan ýerinden sag aýagyny çep aýagynyň üstüne atyp, hallan atdyrdy* (B. Öwezow). **11**. Içmek, ýuwutmak. *Men ýüzümiň ugruna iki dermany birden atdym* ("Edebiýat we sungat"). **12**. *Atmak* işliginiň öňünden at sözleri gelip, täze manyly düzümli işlikler ýasalýar: **Baş atmak** minnetdarlyk bildirmek üçin başyňy öňe tarap egmek. **Bije atmak** jedelli meseläni çözmek üçin meňzeş zatlaryň içinden şertli belgili bir zady çekip almak ýa-da ş.m. başga bir usul bilen bijäni çykarmak. **Daň atmak** gün dogmazyndan öň jahan ýagtylyp ugramak, günüň dogýan ýeri agaryp başlamak. **Hallan atmak** aldyrany bar ýaly ýortmak, alakjamak, selpemek, eýläk-beýläk ylgap hars urmak. **Haýbat atmak** birini gorkuzmak üçin bir zat etjekdigiňi duýdurmak. **Ok atmak** ýaýyň peýkamyny nyşana tarap goýbermek, gönükdirmek; tüpeňden, awtomatdan we ş.m. ot açmak. **Owsun atmak** – *ser.* **Owsun**. **Öwüşgin (öwşün) atmak** öz reňkinde öwsüp durmak. **Sadyr atmak** suwy hakyky tagamyny ýitirip, ýata suwuň tagamyna eýe bolmak. **Tolkun atmak** tolkunlar döremek. **Töhmet atmak** biriniň abraýyny döküjän ýalan-ýaşryk gepi ýaýratmak. **Yraň atmak** *ser.* **Yrgyn atmak**. **Yrgyn atmak** yraň atmak, yranmak. **Ýaý atmak** ýaýy çekip, okuny, peýkamyny sypdyryp goýbermek.

◊ **Atyp geç (geçsin)** adatça, düýp derejedäki *geçmek* işligi hal işlik goşulmasy goşulan *atmak* işliginiň yzyndan gelip, biriniň eden ýa-da heniz etmedik hereketini oňlamadyk adam tarapyndan aýdylýar. *Haýbat atsaň atyp geç, haýbatyňdan gorkamok.* **Başyna atmak** bar işi, aladany üstüne ýüklemek. **Lagnat daşyny atmak** näletlemek, nälet okamak. **Pitjiň atmak** birine pisindiň oturmazlyk, göwnüň ýetmezlik.

**ATMAKLYK**, *iş ady.* Atmak ýagdaýy.

**ATMAZLYK**, *iş ady.* Atmak işini ýerine ýetirmezlik, etmezlik.

**ATMOSFERA** [atmosfe:ra], *at.* **1**. Ýeriň we beýleki asman jisimleri bolan planetalaryň, Günüň hem-de ýyldyzlaryň daşyny gurşap alýan gaz görnüşli gatlak. **2**. Gazyň basyşyny ölçemegiň ölçeg birligi.

**ATOM** [a:tom], *at.* Himiki elementiň örän kiçi bölejigi. *Atom elektrik stansiýasy. Atom energiýasy. Atom fizikasy. Atom sagady. Atom ýaragy.*

◊ **Atomyň ýadrosy** atomyň položitel zarýadly merkezi bölegi.

**AT-OWAZA** [a:d-owa:za], *at.* Il içinde gazanylan at we şöhrat, abraý. *Halk özüniň kalbyna ýakyn eser ýazmagy başaran şahyrdyr ýazyjylaryň at-owazasyny arşa göterýär* ("Watan").

**AT-SOR** [a:s-so:r], *at.* Nam-nyşan, derek. *Garaşsyzlyk ýyllarynda öňler ady-sory eşidilmedik birnäçe söz ussatlary ýüze çykaryldy.*

**ATŞYNAS** [atşyna:s], *at.* At seýsi, at seýisleýän, at ösdürip ýetişdirmek hünäri bolan adam. *Ol atşynas, uly seýis, bu hünärlerini öwrenmek gerek* ("Görogly").

**ATTAŞE** [attaşe:], *at.* Haýsydyr bir ugruň hünärmeni hökmünde daşary ýurtlaryň diplomatik wekilhanalaryna ýa-da konsullyk edaralaryna degişli edilen resmi adam. Mysal üçin: *Harby attaşe, harby-deňiz attaşesi, harby-howa attaşesi.*

**ATTESTASIÝA** [atesta:siýa], *at.* Işgärleriň ýerine ýetirýän işleri boýunça hünär taýýarlyk derejesini kesgitlemek üçin geçirilýän çäre. *Türkmenistanyň Attestasiýa komiteti. Attestasiýadan geçirmek.*

**ATTESTASION** [atestasiýo:n], *syp.* Attestasiýa bilen baglanyşykly, attestasiýadan geçirýän. *Attestasion iş topary.*

**ATTESTAT** [atesta:t], *at.* Orta we ýörite orta mekdebi gutarandygy, ylmy adyň dakylandygy hakynda berilýän resminama. *Professoryň attestaty.*

**ATUW**, *at, taryh.* Atyp öldürmek arkaly berilýän ölüm jezasy. *Türkmenistanda atuw jezasy ýatyryldy.*

**ATYBERMEK** [atyvermek], *işl.* Atmaga başlamak; atmagy dowam etdirmek.

**ATYGSABERMEK** [atyğsa:vermek], *işl.* Atygsap başlamak.

**ATYGSAMA** [atyğsama], *iş ady.* Atygsamak ýagdaýy.

**ATYGSAMAK** [atyğsamak], *işl.* Bir ýere gitmegi küýsemek, islemek, gitsem diýmek, atgamak. *Ýüregiň atygsamak.*

**ATYGSAMAKLYK** [atyğsamaklyk], *iş ady.* Atygsamak ýagdaýy.

**ATYGSAÝYŞ** [atyğsaýyş], *iş ady.* Atygsamak ýagdaýy.

**ATYJY**, *at.* **1**. Tüpeň atyp bilýän adam. *Ökde atyjylar*. **2**. Atyjylyk goşunlarynyň esgeri.

**ATYJYLYK**, **1**. *at.* Ot açýan ýaraglardan (awtomatdan, tüpeňden we ş.m.) ok atmak käri, hünäri. *Atyjylyk onuň halaýan käridi*. **2**. *syp*. Ot açýan ýaraglardan ok atmak käri bilen bagly, ok atmak bilen mesgullanýan. *Atyjylyk polky*. *Atyjylyk sporty*.

**ATYLLAN** [atylla:n]**: atyllan düýe** birnäçe ýyllap gaýman, gysyr galan düýe.

**ATYLMAK**, *işl.* **1**. Atylýan ýaragdan ot açylmak. *Top atylmak.* **2**. Ok bilen urulmak, tüpeňlenmek, ýaýlanmak. *Guş atylmak.* **3**. *taryh.* Atuw jezasy ýerine ýetirilmek. **4**. Taşlanmak, zyňylmak. *Çöregiň ýere atylanyny gören dälsiň.* **5**. Ýazylmak; üsti örtülmek. *Ýere ullakan palas düşelip, onuň üstünden-de ululy-kiçili haly hem halyçalar atylypdyr.* **6**. Sowrup saýlanmak (harman hakynda). *Harman atylmak.* **7**. Bir ýaramaz zat biriniň üstüne ýüklenmek, ýöňkelmek. *Töhmet atylmak.* **8**. Içilmek, ýuwdulmak (derman hakynda). *Derman atylmak.* **9**. *göç.m.* Öňe okdurylmak, zymdyrylyp gitmek. *Öýden atylyp çykdym.* **10**. *gepl.d.* Gaty öwnüp gürlemek, güplemek. *Nämä atylyp otyrsyň, senem bolup bilseň ilçe barsyň-da!?*

**ATYM**, *at.* **1**. Çaýyň we ş.m. bir gezek atmaga gerekli mukdary, ölçegi. *Bir atym çaý*. **2**. Ok atylanda ýa-da bir zat zyňylanda ýeter ýaly aralyk, ýeter mümkinçiligi bolan aradaşlyk. *Oturan ýerimizden taýak atym aňyrrakda ýaryny gum basyp duran gubur ýoldaşymyň ünsüni özüne çekdi* (O. Gadamow). **3**. Atmaga taýyn bolan däne garyşykly döwlen harman. **4**. *göç.m.* Çeme, maý, amat. *Ony bir atymyna salyp bolmazmyka?*

**ATYMLYK**, *syp.* Bir gezek atmaga ýeterlik, bir atar ýaly. *Atymlyk çaý.*

**ATYNMAK**, *işl.* Öz üstüňe, başyňa atmak. *Ol egnine don atyndy. Başatgyç atynmak.*

**ATYR**, *at.* Ýakymly ysy bolan jisimler goşulan spirtli ergin (üst-başyňa sepmek üçin ulanylýar).

**ATYRLABERMEK** [atyrla:vermek], *işl.* Atyrlap ugramak, atyr sepip başlamak.

**ATYRLAMA**, *iş ady.* Atyrlamak ýagdaýy.

**ATYRLAMAK**, *işl.* Atyr sepmek, atyr çalmak, atyr pürkmek. *Geýimi atyrlamak.*

**ATYRLAMAKLYK**, *iş ady.* Atyrlamak ýagdaýy.

**ATYRLAMAZLYK**, *iş ady.* Atyrlap çykmazlyk, atyr sepmezlik, atyr çalmazlyk.

**ATYRLANMAK**, *işl.* **1**. Öz üst-başyňy atyrlamak. **2**. Atyr sepilmek. *Ol atyrlanan köýneklerini geýdi.*

**ATYRLATMAK**, *işl.* Atyrlamak işini başga birine etdirmek; atyrlamaga mümkinçilik bermek, ýol bermek. *Ol eşiklerini her gün diýen ýaly atyrladýardy. Saçyňy atyrlatmak.*

**ATYRLAÝYŞ**, *iş ady.* Atyrlamak ýagdaýy.

**ATYRSABYN** [atyrsa:vyn], *at, gepl.d., ser.* **Araksabyn.**

**ATYŞ**, *iş ady.* Atmak ýagdaýy. *Seniň ýaý atyşyň nähili?*

◊ **Atyş gerekmi, tutuş?!** Söweşmekçi bolýan iki tarapyň, iki adamyň özara göreş, söweş ýoluny saýlap almak üçin biri-birine berýän sowaly, ýüzlenmesi. *Atyş gerekmi, tutuş?!* ("Görogly").

**ATYŞDYRMAK**, *işl.* **1**. Bir ýan ujundan atmak, yzly-yzyna atmak, atyp çykmak. **2**. Hersini bir ýere taşlaşdyrmak, oklaşdyrmak, zyňyşdyrmak.

**ATYŞHANA** [atyşha:na], *at.* Nyşana ok atmak, mergençilige türgenleşmek üçin ýörite ýer.

**ATYŞLYK, bije atyşlyk** bir zady kimiň almalydygyny, bir işe kimiň gitmelidigini we ş.m. kesgitlemek üçin bije atmaklyk.

**ATYŞMAK**, *işl.* **1**. Biri-biriňe ok atmak. **2**. Atmakda ýaryşmak. *Mergenler alaçakmak hyrly tüpeň bilen nyşana atyşypdyrlar* (N. Pomma). **3**. Bilelikde birnäçe bolup atmak.

**ATYŞYK**, *at.* **1**. Iki taraplaýyn ot açyş, garşylyklaýyn gülle ýagdyryş. *Atyşyk başlanyşy ýaly hem duýdansyz ýatdy* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Atmak boýunça ýaryş, mergençilikde güýç synanyşyk. *Tüpeň atyşygy.*

**ATYZ**, *at.* Daş-töweregine çil çekilen ýer, pel. *Ýadawsyz alada edilip, yhlas siňdirilýän atyzlarda şaly häzir boý alýar* ("Türkmenistan").

**ATYZ-ÇIL** [atyz-çi:l], *at.* Atyzly, çilli meýdan. *Atyz-çiliň gyrasyna ekilen baglar ilki bilen şol ýer eýeleriniň özi üçin saýa* ("Nesil").

**ATÝALMAN**, *at, haýwanat d.* Iki öň aýagy gysga, art aýaklary uzyn, uzyn guýrugynyň ujy garaja ýalman.

**AT-ÝARAG** [at-ýarağ], *at.* Söweş üçin gerek esasy enjamlar, harby serenjam. *Ýürekleri at başy dek batyrlar, Hatynça ýok at-ýaragy bolmasa* (Magtymguly).

**ATÝATAK**, *at.* At saklanýan ýer, athana.

**ATÝELMIK**, *at, ösüml.d.* Ýerde ýazgyn ösýän, iýilýän ot, ýelmik.

**ATÝÜWRÜK**, *at, ösüml.d.* Daşy ak, içi gyzgylt tozly kömelek. **2**. Şol kömelegiň içindäki tozy.

**AUDITOR** [awdi:tyr], *at.* Maliýe amallaryny, girdeji-çykdajylary barlaýan derňewçi. *Auditor bolup işlemek.*

**AUDITORÇYLYK** [awdi:tyrçylyk], *at*. Auditoryň käri, wezipesi. *Auditorçylyk şahadatnamasy*.

**AUDITORLYK** [awdi:tyrlyk], *at*, *ser*. **Auditorçylyk**. *Auditorlyk etmek*.

**AW** [a:w], *at.* **1**. Ýabany haýwanlary, guşlary atyp ýa-da duzak gurup tutmak bilen bagly pişe, şikär. *Gara atlaryny eýerläp, elguşlaryny alyp, Myraly bilen Soltansöýün atlanyp, köşkden çykyp, awa ugradylar* ("Myraly we Soltansöýün"). *Ýöne awuň gyzygy, ýaşlyk şol zatlara kän ünsem berdirmedi* ("Watan"). **2**. Atylyp ýa-da başga tär bilen tutulýan, awlanylýan ýabany haýwanlar we guşlar. *Gadym eýýamda aw kändi, emma awlamak kyndy, zamana gorkulydy* (A. Gowşudow). **3**. *göç.m.* Düşewünt, gazanç; peýda. *Beýle awy duşuňdan geçirip bolmaz* (B. Seýtäkow).

◊ **Awa salmak** tazyny, elguşy aw awlamak üçin goýbermek, aw etdirmek. **Awa salynjak tazy ýaly** galagoply ýagdaýda, howsalaly halda. *Aho-w, sen çynyrgadyp barýarsyň-la, men bir hili awa salynjak tazy ýaly galpyldap başladym* (A. Durdyýew). **Aw bilmek** ujypsyz zady düşewünt, gazanç hasaplamak. *Ol sähel zady aw bilýärdi.* **Aw bolmak** biriniň ýa bir zadyň duzagyna düşmek, bir zatdan ýaňa heläk bolmak. *Heý, garry köpek, ahyrynda sen garry gaplaňa aw bolduň-ow* (N. Pomma). **Aw ganly** aw oňdy, aw şowly (*aw ganlymy, janly?* diýen soraga berilýän jogap). **Aw ganly bol-a!** awuň şowuna düşşün, awuň şowly bolsun! **Aw ganlymy, janly?** şowlumy ýa şowsuz. **Aw janly** aw oňmady, aw şowly däl (*aw ganlymy, janly?* diýen soraga berilýän jogap).

**AWABERMEK** [a:wa:vermek], *işl.* Awap başlamak.

**AWAMA** [a:womo], *iş ady.* Awamak ýagdaýy.

**AWAMAK** [a:womok], *işl.* Teniň bir ýeri awuşap agyrmak, syzlap agyrmak.

**AWAMAKLYK** [a:womokluk], *iş ady.* Awamak ýagdaýy.

**AWAMAZLYK** [a:womozluk], *iş ady.* Awap durmazlyk.

**AWARA** [a:wa:ra], *syp.* **1**. Bir ýerde ýerlemän, mekan tutman ygyp ýören ykmanda, sergezdan. *Eý, gül ýüzli baharym, kylma awara meni, Etme sepil yzyňda, goý, ygtyýara meni* (Talyby). **2**. Il-günden, watandan jyda düşen, aýrylan. *Ýedi ýyldyr men awara, Özümi saldym bazara* ("Asly-Kerem"). *Iliňden gitseň awara! Şonda bolar sen biçäre* (Magtymguly).

**AWARALYK** [a:wa:ralyk], *at.* **1**. Mekandan aýra düşmeklik, ykmandalyk, sergezdanlyk. *Aryflar ýanynda dünýä peýinden, Awaralyk eýlän bolmak ýaraşmaz* (Magtymguly). *Wagşyýy-beýabanda awaralygyn goýsun, Serkeşdeligin taşlap, set paralygyn goýsun* (Andalyp). **2**. Ilden-günden, watandan aýra düşmek. *Ýylba-ýyl awaralyk kesp eýlesem bidatlap, Ýol ýörip, çöller gezip, daglar aşyp perýatlap* (Andalyp).

**AWARLAR** [ava:rlar] **I**, *at.* Dagystanyň ilatynyň bir bölegini düzýän halk.

**AWARLAR** [ava:rlar] **II**, *at.* VI asyrda Dunaý ýakasyndaky ýerlerde ornaşan türki taýpa.

**AWATMAK** [a:wotmok], *işl.* Awamak katdyna ýetirmek, awar ýaly etmek.

**AWAÝYŞ** [a:woýuş], *iş ady.* Awamak ýagdaýy.

**AWÇY** [a:wçy], *at.* **1**. Aw awlamak bilen meşgullanýan adam, ýabany haýwanlary, guşlary awlaýan adam. *Hindiniň awçysy çyksa şikäre, Özge aw islemez, pil sesin aňsa* (Mollanepes). **2**. Lebap welaýatynda bir oba.

**AWÇYLYK** [a:wçuluk], *at.* Aw bilen meşgullanýanyň kesp-käri, pişesi.

**AWGUST** [a:wgust], *at.* Milady senenamasy boýunça ýylyň sekizinji aýy.

**AWIA** [aviýa], *at.* Goşma sözleriň "awiasion", awiasiýa degişli, awiasiýa bilen baglanyşykly manyny aňladýan birinji bölegi (mysal üçin: *awiapoçta*).

**AWIAKASSA** [aviýaka:ssa], *at.* Uçara münmek üçin bilet satylýan kassa.

**AWIAKOMPANIÝA** [aviýakampa:niýa], *at.* Awiasiýa ugrundan işleýän ýöreteleşdirilen kompaniýa.

**AWIAKOMPAS** [aviýako:mpas], *at.* Awiasiýada ulanylýan ugur görkeziji kompas.

**AWIAPOÇTA** [aviýapo:çuto], *at.* Awiasiýa arkaly amala aşyrylýan poçta aragatnaşygy, howa poçtasy.

**AWIAMAÝAK** [aviýamaýa:k], *at*. ser. *Maýak*.

**AWIAMODEL** [aviýamode:l], *at.* Howada uçýan apparatlaryň modeli, nusgasy.

**AWIAKONSTRUKTOR** [aviýakanstru:ktor], *at.* Awiasiýada uçýan uçarlaryň, dikuçarlaryň we awiasion motorlaryň konstruktory we beýleki uçýan serişdeleri oýlap tapýan hünärmen.

**AWIASION** [aviýasiýo:n], *syp*. Awiasiýa degişli bolan, awiasiýa bilen baglanyşykly. *Awiasion topar.*

**AWIASIÝA** [aviýa:siýa], *at.* 1. Howada uçýan apparatlaryň howa giňişligindäki hereketiniň teoriýasy

we praktikasy. **2.** Awiaulag serşdeleriniň (uçarlaryň we dikuçarlaryň) jeminiň tutuş ady; howa floty.

**AWLABERMEK** [a:wla:vermek], *işl.* Awlap ugramak; awlamagy dowam etmek.

**AWLAG** [a:wlağ], *at.* Aw awlanýan ýer, aw üçin amatly ýer. *Ne gaýratly bu daglar, Bihasap aw, awlaglar* (Magtymguly). *Sowuk suwly, ter çemenli awlaglar, Köňül arzuw eýlär, watanym seni!* (Zelili).

**AWLAMA** [a:wlomo], **1**. *iş ady.* Awlamak ýagdaýy. **2**. *göç.m.* Birini heläkleme, öldürme, ýok etme.

**AWLAMAK** [a:wlomok], *işl.* **1**. Aw etmek, ýabany haýwanlary we guşlary tutmak, atmak. *Eger suw bolan halatynda, onda bu möwsümde balyklaryň bu görnüşiniň tutuş halkymyza arkaýyn ýeter ýalysyny awlamak mümkindir* ("Nesil"). **2**. *göç.m.* Birini, bir zady heläklemek, hatardan çykarmak; ýok etmek.

◊ **Göwnüni awlamak** *ser.* **Göwün**.

**AWLAMAKLYK** [a:wlomokluk], *iş ady.* Awlamak ýagdaýy.

**AWLAMAZLYK** [a:wlomozluk], *iş ady.* Awlamak işini amal etmezlik.

**AWLAÝYŞ** [a:wloýyş], *iş ady.* Awlamak ýagdaýy.

**AWLANMAK** [a:wlonmok], *işl.* Awlamak işi ýerine ýetirilmek, aw edilmek. *Guş salsaň, käkilik, turaç awlanar, Peleňdir, gaplaňdyr, şirdir bu daglar* (Misgingylyç).

**AWLATMAK** [a:wlotmok], *işl.* Awlamak işini başga birine etdirmek; awlamaga mümkinçilik bermek; awlamaga mejbur etmek; eý görýän zadyňy aldyrmak. *Jerenim awlatdym düzden, Ganly ýaşym akar gözden* (Halk aýdymyndan).

**AWSTRALIÝALYLAR** [avystyra:lyýalylar], *at.* Awstraliýanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**AWSTRIÝALYLAR** [a:vystyrýalylar], *at.* Awstriýanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**AWTOBUS** [afto:bus], *at.* Ýolagçy gatnadýan köp orunly üsti ýapyk ulag.

**AWTOMAT** [aftama:t], *at.* Ok atýan ýarag.

**AWTOMATLY** [aftama:tly], *syp*. Awtomaty bolan; elinde awtomatyny saklap duran. *Awtomatly adam*.

**AWTOMOBIL** [aftamabi:l], *at.* Gara ýollar boýunça ýolagçylary gatnatmak we ýük çekmek üçin motorynyň güýji bilen tigirleriniň üstünde hereket edýän dürli görnüşli ulag serişdesi.

**AWTOR** [a:ftyr], *at*. Özüniň döredijilikli zähmeti bilen ylym, edebiýat ýa-da sungat eserini döreden, açyşlary oýlap tapan adam.

**AWTORALLI** [avtora:lly], *at*, *ser*. **Ralli**. *Şondan soň, Ýewropa döwletlerinde awtoralli ýaryşy uly meşhurlyga eýe bolup, beýleki yklymlara hem ýaýrap başlapdyr* ("Saglyk").

**AWTORDAŞ** [a:vtardaş], *at*. Kimdir biri bilen döredijilikli zähmetiň netijesinde ylymda, edebiýatda ýa-da sungatda eser döreden, açyşlary oýlap tapan adam.

**AWTOREFERAT,** *at.* Awtoryň ylmy eserlerine özüniň gysgaça beýany. *Dissertasiýanyň awtoreferaty***.**

**AWTORLYK** [a:vtarlyk], *at*. **1**. Awtora degişli. *Awtorlyk hukugy.* **2**. Awtora berilýän. *Awtorlyk galam haky.*

**AWTORUÇKA** [avtoru:çka / avtoruçko], *at.* Içine guýlan syýanyň öz-özünden akýan we hat ýazmak üçin ulanylýan enjam.

**AWULABERMEK** [awula:vermek], *işl.* Awulamaga girişmek.

**AWULAMA** [a:wulomo], *iş ady.* Awulamak ýagdaýy.

**AWULAMAK** [a:wulomok], *işl.* **1**. Bir zada awy goşmak, gatmak, garmak; zäherlemek. **2**. Mör-möjekleri ýok etmek maksady bilen ösümliklere, meýdana zäherleýji serişdeleri sepmek, dökmek, pürkmek. **3**. *göç.m.* Ajy söz bilen duzlamak, göwne degýän şerebeli söz aýtmak.

**AWULAMAKLYK** [a:wulomokluk], *iş ady.* Awulamak ýagdaýy.

**AWULAMAZLYK** [a:wulomozluk], *iş ady.* Awy garmazlyk; awy sepmezlik.

**AWULANMAK** [a:wulonmok], *işl.* **1**. Awy garylmak. **2**. Awy sepilmek. *Gowaça çigidi ekilmezinden öň awulanýar.*

**AWULATDYRMAK** [a:wulotdurmok], *işl.* Awulamak işini başga birine etdirmek.

**AWULATMAK** [a:wulotmok], *işl.* Awulamaga mejbur etmek; awulamaga ýol bermek; awulamak işini başga birine etdirmek.

**AWULAÝJY** [a:wuloýjy], *syp.* **1**. Bir zada awy gatyjy, zäher bilen gyryjy. **2**. Mör-möjekleri awy, zäher bilen ýok edýän, awy pürküji. *Awulaýjy enjam.* **3**. Zäherleýji serişde, düzüminde awy, zäher bolan derman. **4**. *göç.m.* Göwne degiji, ýakymsyz, gaty söz aýdyjy.

**AWULAÝYŞ** [a:wuloýuş], *iş ady.* Awulamak ýagdaýy.

**AWULY** [a:wuly], *syp.* **1**. Düzüminde awy, zäher bar bolan, zäher goşantly, zäherli. **2**. *göç.m.* Çapgyn aýazly, ýalap barýan (howa hakynda). *Daşarda ýüzüňi-gözüňi ýalap barýan awuly şemal şuwlaýardy* (B. Gulow).

◊ **Awuly dilini ýetirmek** *ser*. **Awusyny pürkmek**. *Munuň garşy bolup, edip biljek zadam ýok weli, käwagt awuly dilini ýetirip durýar* (A. Durdyýew).

**AWULYK** [a:wuluk], *at*. **1**. *göd. s.* Iýgi-içgi, iýmit. *Awulygyňy iý-de, işe ugra!* **2**. *gepl.d.* Serhoş ediji içgi, arak, çakyr. *Men bulary içilen bir çüýşe awulygyň keýpine aýdamok* (T. Gurbanow).

**AWULYLYK** [a:wululuk], *at.* **1**. Awusy, zäheri barlyk, zäherlilik. **2**. Agyrysy, yzasy barlyk, agyrylylyk, yzalylyk.

**AWUNDYRMAK** [a:wunnurmok], *işl.* **1**. Birini awunar ýaly etmek, awunmak katdyna ýetirmek. *Onuň ýumrugy degen ýerini awundyrýardy.* **2**. Biriniň ýüreginiň gyýylmagyna sebäp bolmak. *Ol ussanyň ýüregini awundyrmaga dözmedi.*

**AWUNMA** [a:wunmo], *iş ady.* Awunmak ýagdaýy.

**AWUNMAK** [a:wunmok], *işl.* **1**. Bir zadyň täsiri bilen bedeniň, endamyň, synaň ýiti agyrmak, ýiti agyra sezewar bolmak. **2**. *göç.m.* Ýakynyň ýogalyp, ýitgä sezewar bolmak, pajygaly ýagdaýa uçramak. *Başga-da birnäçe tüýnügi gaçan öý hakynda we awunan adamlar hakynda gürrüň edildi* (A. Gowşudow). *Ol owal ganly sakadan awundy* (G. Gurbansähedow). **3**. *göç.m.* Ruhy taýdan ejir çekmek, gynanmak, gyýylmak, ynjamak. *Aýsoltan ejesiniň gürrüňine awunmak bilen sojady* (B. Kerbabaýew).

**AWUNMAKLYK** [a:wunmokluk], *iş ady.* Awunmak ýagdaýy.

**AWUNYŞ** [a:wunuş], *iş ady.* Awunmak ýagdaýy.

**AWUSIÝDIK** [a:wusiýdik], *at, haýwanat d.* Derisi sütükli, pişge guýruk, kiçijik gemriji tokaý haýwany, belka.

**AWUSYZ** [a:wusuz], *syp.* **1**. Düzüminde zäher bolmadyk, awy gatançsyz. *Awusyz derman mör-möjekleri doly ýok etmeýär.* **2**. Gaty agyrmaýan, agyrysyz, yzasyz. *Awusyz ýara.*

**AWUSYZLANDYRMAK** [a:wusuzlonnurmok], *işl.* **1**. Düzüminden awusyny aýyrmak, zäherini çykarmak, zähersizlendirmek, zyýansyzlandyrmak. **2**. Agyrydan saplamak, yzasyny aýyrmak; köşeşdirmek.

**AWUSYZLANMAK** [a:wusuzlonmok], *işl.* Awusy, zäheri aýrylmak.

**AWUSYZLYK** [a:wusuzluk], *at.* Awy, zäher garyndysy ýokluk, zähersizlik.

**AWUSYZRAK** [a:wusuzyra:k], *syp.* Awusy azrak.

**AWUŞABERMEK** [a:wuşa:vermek], *işl.* Awuşap başlamak.

**AWUŞAMA** [a:wuşomo], *iş ady.* Awuşamak ýagdaýy.

**AWUŞAMAK** [a:wuşomok], *işl.* Bir zat gyýýan dek, ýara şerebe sepilen ýaly syzlap agyrmak, jyzlap agyrmak, awuly syzlamak. *Çekiç degen barmagy awuşap agyrýardy. Onuň gözi awuşap durdy.*

**AWUŞATMAK** [a:wuşotmok], *işl.* Awuşamak katdyna ýetirmek. *Tüsse gözüňi awuşadýardy* ("Edebiýat we sungat").

**AWUŞAÝYŞ** [a:wuşoýuş], *iş ady.* Awuşamak ýagdaýy.

**AWUTERNEK** [a:wuternek], *at, ösüml.d.* Ýapragy söwüdiňkä meňzeş, sary gülli, baldagy süýtli dag ösümligi.

**AWY** [a:wy], *at.* **1**. Janly bedeni zäherläp bilýän jisim, zäher. *Bir gün hamyra awy goşup çapady bişirýär we ony Kerime berip öldürmekçi bolýar* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. *göç.m.* Yza, agyry. *Teniň awusy.* **3**. *göç.m.* Aýaz, şatlama sowuk. *Howanyň awusy bar.* **4**. *göç.m.* Ýakyp-ýandyryp barýan, ýiti (soganyň, sarymsagyň tagamy hakynda).

◊ **Awusyny pürkmek** şerebeli, göwne degiji söz aýtmak, awuly dilini ýetirmek. **Awy gatmak (goşmak)** gününi bulamak, durmuşyny bozmak, süýji durmuşdan mahrum etmek. **Awy ýaly** örän ajy. **Bagyr awusy** perzent ölümi bilen bagly çekilýän dert, azar. **Gar awusy** gar ýagmagynyň nyşany bolup durýan çytyk howa. *Howada gar awusy bar*.

**AWY-ZAKGUN** [a:wu-zakgu:n], *syp.* Örän ajy, zäher ýaly. *Iýer ýaly däl, duran awy-zakgun.*

**AWY-ZERZAW** [a:wu-zerza:w], *syp.* Örän agyryly, yzaly, durşy bilen zerzaw. *Endam-janym awy-zerzaw.*

**AÝ** [a:ý] **I**, *at.* **1**. Ýere iň ýakyn asman jisimi, hereketi boýunça Ýeriň ýeke-täk tebigy hemrasy. *Arzuwymdyr Aýa elim ýetirmek, Üzülmesin ýöne aýagym ýerden* (M. Seýidow). **2**. Ýylyň on ikiden bir bölegi, senenama hasaby boýunça 28, 29, 30 ýa-da 31 güni öz içine alýan wagt aralygy. *Aýyň ýigrimisi. Bir aý. On aý.* **3**. Tahýa, köýnege, aýal maşgalalaryň aýak geýiminiň agzyna salynýan aý şekilli nagyş.

◊ **Aý agyllamak** aýyň daş-töwereginde agymtyl halka emele gelmek. **Aý berip oturmak** tegelenip oturmak, döwre gurap oturmak. **Aý görjek ýaly** siňe seretmek, boýnuňy süýndürip äňetmek. **Aý hasaby** aýyň dogup-ýaşyşy boýunça ýöredilýän hasap, hijri-kamary hasaby. **Aý tutulmak** Aýyň ýüzüne Ýeriň kölegesi düşmek. **Aýy-güni dolmak 1)** çaga dogar wagty gelmek, bolmak. **2)** öler wagty ýakynlamak, ölüm pursady gelmek, sanaglysy dolmak. **Aýy-güni ýetik** dokuz aý on güni dolan, dogmaly wagty gelen. *Onuň yzy bilen aýaly hem dünýäden ötdi, aýy-güni ýetik çaga hem enesiniň garny bilen gitdi* ("Görogly"). **Aýyň bölegi (parçasy) ýaly** örän owadan, görmegeý, aý ýaly. **Aý ýaly** örän owadan, aýyň bölegi ýaly. *Aý ýaly gelin.* **Dolan aý** ýagty düşýän tarapy doly suratda ýere tarap öwrülip, tegelek görnüşe eýe bolan Aý (garşylykly manydaky taýy: **helal Aý**).

**AÝ** [a:ý] **II**, *at.* Suwda ýaşaýan balyk, gurbaga we başga jandarlaryň dem alyş agzasy.

**AÝ I**, Ikirjiňlenmegi, ökünji, belli bir derejede kanagatlanmagy, ýaýdanmagy we ş.m. aňladýan ümlük. *Aý, özüňiz bir zat edersiňiz-le!*

**AÝ II**, "Eý" manysyndaky ümlük. *Aý, pirim, bular-a toýdan gelip, toýa barýarlar, islegleri şatlyk bilen tomaşa* (Keminäniň şorta sözlerinden).

**AÝA** [a:ýa] **I**, *at.* Eliň iç ýüzünde barmaklar birleşýän aýtym. *Aýaň gijese, pul düşjekdir.*

◊ **Aýaňda (eliň aýasynda) saklamak** birine gaty gowy hyzmat etmek, aňrybaş derejede seretmek.

**AÝA** [a:ýa] **II**, *at.* Jykyr bilen suwarylýan ýeriň kölçelerden kiçiräk böleklere bölünen görnüşi.

**AÝABERMEK** [aýa:vermek], *işl.* Aýap başlamak; aýamagy dowam etdirmek.

**AÝAGALDYGYNA** [aýağallyğna], *hal.* Ýetişi-bildiginden, elinde baryny edip; tiz, çalt, derrew. *Aýagaldygyna ylgap gelmek.*

**AÝAGUÇ** [aýağu:ç], *at.* **1**. Gyşaryp ýatan adamyň aýak tarapy. **2**. Bir ýeriň gutarýan ýeri, ahyry, aýak tarapy, etegi. *Derýanyň aýagujy.*

**AÝAGULAG** [aýağuloğ], *at.* Münmek üçin gerek bolan at, eşek we ş.m. ulag, maşyn.

**AÝAK I**, *at.* **1**. Adamyň, haýwanlaryň, mör-möjekleriň ýöremek üçin hyzmat edýän beden agzasy. *Aýagy uly syganyn geýer, aýagy kiçi -söýenin* (Nakyl). *Aýak ýüwrügi daşa deger, dil ýüwrügi – başa* (Nakyl). **2**. Taganyň, oturgyjyň we ş.m. daýanjy, diregi, örki. *Tagan aýagy üç bolar, biri-birine güýç bolar* (Nakyl). **3**. Bir ýeriň gutarýan ýeri, çägi, etek, çet, gyra. *Ýabyň aýagy.* **4**. Döwrüň, wagtyň we ş.m. ahyry, soňy, gutarara ýakynlan möhleti. *Häzir gyşyň aýagy*. **5**. Öldürilip paýlaşylýan malyň dörtden biri, çärýek. **6**. Harman döwlende ortadaky uly üýşmek desseler bilen nermäniň aralygyndaky döwülýän bölegi. *Olar ertirden bäri dört-bäş aýak döwdüler.* **7**. *gepl.d.* Petde etmek üçin ýyglan ýandak we ş.m. üýşmekleri. *Bir aýak ýandak.* **8**. *ýerli g.* Aýagulagyň tigri, teker.

◊ **Aýaga galdyrmak 1)** işi ýola goýmak, ugrukdyrmak. **2)** bir mesele üçin adamlary örüzmek, üýşürmek. **Aýaga galmak 1)** bir zadyň ugruna çykmak, aýak üstüne galmak, örmek. *Agyr süri birden güpürdäp aýaga galdy* (B. Seýtäkow). **2)** saglygy oňatlaşmak, ganymatlaşmak, ganymat bolmak, daýanmak. *Başda çyrçyklydy, daýandy çaga, Kem-kemden özi-de galdy aýaga* (A. Kekilow). **3)** ösüp başlamak, janlanyp başlamak, dikelip ugramak. **Aýagy agyr 1)** göwreli, iki gat, hamyla. *Ol gelniň aýagy agyrdy.* **2)** işi ugruna bolmadyk, şowsuz. **Aýagy bagly** aýagy daňylan, erksiz. **Aýagy bişen ýaly (dek)** bir ýerde ynjalyk tapmaýan, bir ýerde durmaýan, zowzuldaýan. *Ol aýagy bişen dek iki ýana zowzuldady.* **Aýagy duşakly ýaly** aýagyny giňden açyp bilmän, çalt-çaltdan gysga ädimläp ýöreýän adama aýdylýar. **Aýagy düşmek** haýyrly, peýdaly bolmak. *Sen gylawly ýigit ekeniň, aýagyň düşdi* ("Görogly"). **Aýagy düşsün!** gelin alnanda wepaly bolsun, bagt getirsin diýen manyda edilýän arzuw. **Aýagy egri** aýagyny dogry basmaýan, aýagyny gyşyk basmak, ahlak taýdan arassa bolmazlyk, biwepalyk edýan, adamsyna ikilik edýän. **Aýagy giden** çapuwdan galan (at, bedew hakynda). **Aýagyna ýykylmak** birinden haraý gözlemek, ýalbarmak; ýazygyň geçilmegini haýyş etmek. **Aýagyndan asylmak** birine päsgel bermek, biriniň arzuwynyň amala aşmagyny görübilmezçilik etmek. **Aýagyny baglamak (duşaklamak)** öýli-işikli etmek, gelin alyp bermek, öýermek. **Aýagyny gyşyk basmak** ýaramaz hereket etmek (ahlak babatda), erbet gezmek, hata iş etmek. **Aýagynyň astyny gazmak (köwmek)** birine zyýan bermek, bökdemek, ýykmak üçin iş görmek. **Aýagyny sallap gitmek** biderek, nähak ýere tutulmak. **Aýagyny süýremek** kyn-da bolsa, daş ýere ýöräp gitmek. **Aýagyny süýräp almak** aýagyny ýerden galdyryp bilmänsoň, kynlyk bilen ýöremek. **Aýagyňy uzyn salyp oturmak** aýaklaryňy uzadyp oturmak. **Aýagyň çekmezlik** bir ýere, biriniň ýanyna barasyň, gidesiň gelmezlik. *Emma bu gezek olaryň ýanyna baryp, gürrüňleşmäge bir hili aýagy çekmeýär* (H. Derýaýew). **Aýagyňy çekmek** bir ýere, biriniň ýanyna barmazlyk. *Ol ýoldaşynyň kimdigini tanandan soň, olardan aýagyny çekäýendir*. **Aýagyňy depip durmak** düýpgöter garşylyk görkezmek, öz diýeniňi tutmak, ylalaşmazlyk. *Onuň aýagyny depip durmagy meni oýlanyp görmeli etdi* (N. Saryhanow). **Aýagyňy dürs basmak** dogry gezmek, özüňi gowy alyp barmak. **Aýagyňy gyşyk basmak** egrilik etmek, nädogrulyk goýbermek, ahlak taýdan özüňi erbet alyp barmak. **Aýagyňy ýazmak** dem-dynç almak, ýörelenden soň az wagt dynç almak. **Aýagyňy ýerden üzmezlik** hakykatdan daşlaşmazlyk. *Ýalan sözleseňem, aýagyňy ýerden üzme* (N. Jumaýew). **Aýagyň ýelini almak (çykarmak)** gezip keýpden çykmak, pyýada köp gezmek. **Aýagy ýere degmezlik** begençden, şatlykdan ýaňa ökjäň ýeňlemek, keýpiň kök bolmak. **Aýagy ýer tutmak** bir ýerde ornaşmak; her bir tarapdan guratlanyp başlamak. **Aýak astyna salmak** äsgermezlik etmek, har etmek, zaýalamak. **Aýak astynda galmazlyk** erbet ýagdaýa düşmezlik, äsgermezlik edilmezlik, har düşmezlik. *Beýle maşgala hiç wagtda aýak astynda galmaz* (B. Kerbabaýew). **Aýak bagy bolmak 1)** ýol ýörelende eýermän yza galyp, bile barýan ýoldaşyňa bökdenç döretmek. **2)** birine päsgel bermek, hossa bolmak, dert bolmak. **Aýak basmak** girmek, başlamak (ýaş hakynda). *Ol indi on üç ýaşyna aýak basdy.* **Aýak bermek** harman döwlende ýabylaryň aýagynyň astyna täze galla desselerini dargatmak**.** **Aýak bitmek** ýöräp başlamak, aýaklanmak. *Oňa ýaňy aýak bitipdi.* **Aýak çekilmek** adamlaryň öýlerine ýygnanyp, daşda-içde gezip ýören adam bolmazlyk (gijäniň bir wagty hakynda). **Aýak çekmek** durmak, saklanmak. **Aýakda**

**galmak** yzda süýrenmek, ilden yza galmak. **Aýakdan galmak** ýöremek ukybyny ýitirmek. *Goja kyn düşse-de ýöremäge çalyşýardy, ýöremese, aýakdan galyp, otura bolaryn öýdýärdi.* **Aýak salmak** depmek. *Düýämiz şeýle bir sarç, ýat biri sagaýaýyn diýip golaýlajak bolsa, göni aýak salar*. **Aýak sekmek** aralaşmak, gelmek. **Aýak sesi** ýörelende aýakdan çykýan ses. **Aýak ujy** ýatan adamyň aýagynyň ýetýän ýeri; aýak tarapy. **Aýak üstünde** hereketde, gaý-da-gaýmalaşyk, iş bilen gümra. *Gün dogandan ähli kişi aýak üstündedi.* **Aýak üstünden** oturman, aýak epmän. *Ol aýak üstünden ejelerine baryp gaýtdy.* **Aýak üstüne galmak 1)** Oturan ýeriňden turmak, dik durmak, turmak. **2)** syrkawlykdan açylmak, gutulmak. *Ol aýak üstüne galansoň, işine gitdi.* **3)** niýetine ýetmek üçin güýjüni gaýgyrman hereket etmek. **Aýak ýeterde** golaý-goltumda, baryp-gelmek mümkin bolan ýerde. *Heý, şu golaýlarymyzda, aýak ýeterimizde dag barmy?* ("Görogly"). **Aýak ýoluna gitmek** meýdana gitmek, ýazynmaga gitmek. *Meret-de turup, çäkmenini egnine ýasgynjak alyp, çarygyny aýagyna gowaldaň sokup, aýak ýoluna gitdi* (A. Durdyýew). **Aýak ýygnanmak** garaňky düşüp, daşarda, köçede gezip ýören adam galmazlyk, aýak çekilmek.

**AÝAK II**, *at, kön.s.* Käse, okara, pyýala, bulgur, bada. *Saky, pyýalany gandyr, aýagy* ("Saýatly – Hemra").

**AÝAK III**, *at.* Kellebaşaýak. *Aýda gelen aýak iýer, günde gelen – taýak* (Nakyl).

**AÝAKBASGYÇ** [aýakbasğyç]**,** *at.* Maşynlardaky, beýleki hereketlenýän tehniki serişdelerde, şeýle hem käbir saz gurallarynda hereketi sazlamak üçin aýak bilen basylýan gural. *Sürmegi öwrenmek üçin ulanylýan we okuw guramasyna degişli tehniki ulag goşmaça birikdiriş we durzuş aýakbasgyçlary bilen enjamlaşdyrylan bolmalydyr* (Türkmenistanyň Ýol hereketiniň kadalary, 2003 ý., 47 s.).

**AÝAKÇY**, *at.* Dişleýän we dişlän ýerini gijedýän çybyn ýaly ganatly möjejik.

**AÝAKDAŞ**, *syp.* **1**. Deň çapýan; deň gidýän (at, adam hakynda). *Ýöne öňatlylar biziň bilen aýakdaş däldi* (R. Gelenow). **2**. Aň-düşünje we ş.m. bilen deň barýan, bir hatarda barýan. *Döwür bilen aýakdaş gitmek.*

**AÝAKDAŞLYK**, *at.* **1**. Aýagy deňlik, deň çapmaklyk, deň gitmeklik (at hakynda). **2**. Aň-düşünje we ş.m. deň baryjylyk, biri-biriňden galmazlyk.

**AÝAKGAP** [aýakga:p], *at.* Aýaga geýmek üçin tikilen gap. *Aýakgabyň dar bolsa, giň jahandan ne peýda* (Nakyl).

**AÝAKGAPÇY** [aýakga:pçy], *at.* Aýakgap tikýän ussa, köwüş tikýän ussa.

**AÝAKKÖPRI** [aýakköpürü], *at, gepl.d.* Paýapyl, pyýadalar üçin köpri.

**AÝAKLABERMEK** [aýakla:vermek], *işl.* Aýaklap başlamak, aýaklap ugramak, aýaklamaga ýakynlamak.

**AÝAKLAMA**, *iş ady.* Aýaklamak ýagdaýy.

**AÝAKLAMAK**, *işl.* Gutarmak, tamamlamak, soňlamak. *Haty aýaklap barýaryn*. *Aý aýaklap barýar.*

**AÝAKLAMAKLYK**, *iş ady.* Aýaklamak ýagdaýy.

**AÝAKLAMAZLYK**, *iş ady.* Gutarmazlyk, tamamlamazlyk, aýak etmezlik.

**AÝAKLANDYRMAK** [aýaklannyrmak], *işl.* Ýöremäge endik etdirmek. *Çagany aýaklandyrmak.*

**AÝAKLANMA**, *iş ady.* Aýaklanmak ýagdaýy.

**AÝAKLANMAK**, *işl.* **1**. Aýak üstünde durmaga, ýöremäge endik etmek, ýöremegi öwrenmek, aýak bitmek. **2**. Soňuna ýakynlamak, aýak bolmak, tamamlanmaga ýakynlamak, gutaraňkyrlamak. **3**. *göç.m.* Aýak üstüne galmak, ösüp, gurplanyp başlamak.

◊ **Aýaklanmadyk köşek ýaly** aýak üstünde zordan durýan, entirekläp ýöreýän, dogry aýak basyp bilmeýän.

**AÝAKLANMAKLYK**, *iş ady.* Aýaklanmak ýagdaýy.

**AÝAKLANMAZLYK**, *iş ady.* Aýak üstünde durmazlyk; aýak üstüne galyp bilmezlik.

**AÝAKLAŞMA**, **1**. *iş ady.* Aýaklaşmak ýagdaýy. **2**. *at, ýerli g.* Üle.

**AÝAKLAŞMAK**, *işl.* Aýakma-aýak paýlaşmak, her kim bir aýagyny almak. *Aýaklaşyp mal öldürmek.*

**AÝAKLAŞMAKLYK**, *iş ady.* Aýaklaşmak ýagdaýy.

**AÝAKLATMAK**, *işl.* Aýaklamak derejesine ýetirmek, tamamlatmak, gutartmak.

**AÝAKLAÝYŞ**, *iş ady.* Aýaklamak ýagdaýy.

**AÝAKLY**, *syp.* **1**. Aýagy bar bolan. **2**. Ýörite ýasalan daýanjy bolan, aýak oturdylan. *Aýakly sandyk.* **3**. Ýörgür, gitgir, ýyndam. *Aýakly at.*

◊ **Aýakly çilim** tüssesi gabyň içindäki suwdan süzülip geçýän çilim, suwçilim. **Aýakly garpyz ýaly** kelte boýly, tos-togalajyk (adam hakynda).

**AÝAKMAN**, *syp.*, *mald.* Aýaklary uzyn, injigi berdaşly daýaw goýun ýa-da guzy. *Adatça, aýakman guzular daýaw mallar bolup ýetişýar.*

**AÝAKMAŞYN** [aýakmaşy:n], *at, gepl.d.* Aýagyň kömegi bilen işledilýän tikin maşyny.

**AÝAKSYZ**, *syp.* **1**. Aýagy bolmadyk, aýakdan mahrum bolan. *Aýaksyz adam.* **2**. Aýak oturdylmadyk, aýak edilmedik. *Aýaksyz sandyk.*

**AÝAKSYZLYK**, *at.* Aýagy ýokluk, aýakdan mahrumlyk.

**AÝAKÝALAŇ**, *syp., ser.* **Aýakýalaňaç**. *Aýakýalaň gezmek.*

**AÝAKÝALAŇAÇ**, *syp.* Aýagy aýakgapsyz, köwüşsiz.

**AÝAL** [aýa:l], *at.* **1**. Urkaçy jynsyndan bolan ynsan, zenan maşgala. **2**. Durmuşa çykan, biri bilen nikalaşan zenan, ýassykdaş, ýanýoldaş. **3**. Aýal maşgala degişli. *Aýal köýnegi*.

◊ **Aýal adam**, aýal maşgala.

**AÝALBAZ** [aýa:lva:z], *syp.* Aýala kowalaşýan, gelin-gyza göz gyzdyrýan, ahlak taýdan durnuksyz.

**AÝALBAZLYK** [aýa:lva:zlyk], *at.* Aýalbaz bolmaklyk, aýal-gyza kowalaşmaklyk.

**AÝAL-EBTAT** [aýa:l-evta:t], *at.* Aýal-gyzlar, aýal maşgalalar. *Bir sapar olara adam-gara, aýal-ebtat bary üýşdi* ("Edebiýat we sungat").

**AÝAL-ERKEK** [aýa:l-erkek], *at.* Aýal hem erkek adamlar.

**AÝAL-GYZ** [aýa:l-ğy:z], *at.* Aýal we gyz, gyzlar, gelinler, aýallar, aýal maşgalalar.

**AÝALLY** [aýa:lly], *syp.* Öýli-işikli bolan, öýlenen.

**AÝALLYK** [aýa:llyk], *at.* **1**. Nika boýunça biriniň maşgalasy bolmaklyk; gyzlykdan soňky döwür. – *Eý, Garyp, eger meni özüňe aýallyga kabul etmeseň, saňa töhmet edip, heläk edermen – diýdi* ("Şasenem – Garyp"). **2**. Aýal maşgala mahsus, häsiýetli. *Onuň aýallyk duýgulary üstün çykdy* (B. Seýtäkow).

◊ **Aýallyk etmek** beren wadaňda durup bilmezlik, bigaýratlamak, heleýlemek (köplenç, erkek adamlara aýdylýan gödek söz). *Soň ara bir iş düşse, Aýallyk etdi diýme* (A. Alamyşow).

**AÝALLYLYK** [aýa:llylyk], *at.* Aýaly barlyk, aýally bolmaklyk.

**AÝALMAK**, *işl.* Aýawly saklanmak, goralmak.

**AÝALSYZ** [aýa:lsyz], *syp.* **1**. Aýaly ýok, sallah, dul. *Aýalsyza mydar bolmaz, Dönseň hökmi Süleýmana* (Magtymguly). **2**. Öýlenmedik, öýli-işikli bolmadyk.

**AÝALSYZLYK** [aýa:lsyzlyk], *at.* Aýaly ýokluk, sallahlyk, dulluk. *Derwüşlere ýolsuzlygy, Ýigitlere malsyzlygy, Hudaýym aýalsyzlygy, Görkezmesin musulmana* (Magtymguly).

**AÝAMA**, *iş ady.* Aýamak ýagdaýy.

**AÝAMAK**, *işl.* Aýawly saklamak, aýap saklamak, goramak, goraglamak.

**AÝAMAKLYK**, *iş ady.* Aýamak ýagdaýy.

**AÝAMAZLYK**, *iş ady.* Aýap saklamazlyk.

**AÝAN** [aýa:n], *syp.* Aýdyň, äşgär, mälim, belli, açyk. **2**. Aýan sözüniň soňundan *bolmak*, *etmek* kömekçi işlikleri goşulyp, *aýan* sözüniň manysyna ugurdaş manyly düzümli işlik ýasalýar: **Aýan bolmak** aýdyň bolman, äşgär bolmak. **Aýan etmek** aýdyň etmek, äşgär etmek, aýdyňlaşdyrmak.

**AÝANLYK** [aýa:nlyk], *at.* Aýdyňlyk, äşgärlik, açyklyk, aç-açanlyk. *Mesele aýanlygy talap edýär.*

**AÝAT** [a:ýat], *at.* **1**. Gurhanyň bir süresi **2**. Merhumyň hatyrasy üçin okalýan doga. *Öli aýatdan doýmaz, diri – hezzetden* (Nakyl).

◊ **Aýatda diri** ýagty jahanda ýaşap ýör.

**AÝATMAK**, *işl.* Aýar ýaly etmek, aýamaga mejbur etmek. *Köpüň emlägini aýatmak gerek.*

**AÝAWLY** [aýowly], *syp.* **1**. Goralýan, aýalyp saklanýan; eserdeň, seresap. **2**. Tygşytly, ýerlikli.

**AÝAWLYLYK** [aýowluluk], *at.* Tygşytlylyk, ýerliklilik.

**AÝ-AÝDYŇ** [a:ý-a:ýdyň], *syp.* Ýagty , örän aýdyň (agşam, gije hakynda). *Aý-aýdyňdyr, ýagtydyr, Gyzlar oýnar wagtydyr* (Läle).

**AÝAÝYŞ**, *iş ady.* Aýamak ýagdaýy.

**AÝAZ**, *at.* Gury sowuk, şatlama aňzak, kesip barýan çapgyn sowuk.

**AÝAZLAMA**, *iş ady.* Aýazlamak ýagdaýy.

**AÝAZLAMAK**, *işl.* Aýazda durup, aýazyň täsiri ýetip sowap durmak. *Aýazlap duran suw.*

**AÝAZLAMAKLYK**, *iş ady.* Aýazlamaklyk ýagdaýy.

**AÝAZLATMAK**, *işl.* Aýazlap durar ýaly sowuk ýerde goýmak. *Eti aýazladyp goýmak.*

**AÝAZLAÝYŞ**, *iş ady.* Aýazlamak ýagdaýy.

**AÝAZLY**, *syp.* Güýçli aýazy bolan, şatlama, çapgyn howaly, sowuk. *Aýazly gije. Aýazly howa.*

**AÝBA-AÝ** [a:ýva-a:ý], *hal.* Şu aýdan ol aýa, her aýda; aýsaýy.

**AÝBALYK** [a:ýva:lyk], *at, haýwanat d.* Bedeniniň iki gapdaly ýapbaşyk, ýüzgüçleri örän uly, bedeniniň guýruk bölegi bolmadyk balyk.

**AÝBAŞY** [a:ývaşy], *at.* Aýal maşgalalarda aýda bir gezek bolýan bil açylma.

**AÝBOGDAŞ** [a:ývoğdoş]**: aýbogdaşyňy gurmak** dyzlaryňy içine epip, aýagyňy atanaklaýyn çalşyryp oturmak.

**AÝBÖKE** [a:ývökö], *at, deňizç.* Ýelkenli gaýygyň, nawuň art tarapynda dalagyň üstünde aý görnüşinde egrelip duran tagta.

**AÝBYGADYM** [aývyğady:m], *syp., gepl.d.* Örän elhenç, her hili erbetlige garaşaýmaly (adam hakynda).

**AÝDA** [a:ýda], *hal*. Her aýyň dowamynda, her aýyň içinde, her aýda. *Aýda bir gezek atasy öýüne gitmese, çykan gyzyň ýüregi gysýardy.*

**AÝDAN-DIÝEN** [aýdan-niýen], *at, gepl.d.* **1**. Sadaka aýdylan, hudaý ýoluna çykarylan zat. *Ol aý-dan-diýenini metjide eltip berdi.* **2**. Il arasynda gümürtik gep-gürrüň edýän adam, diýen-aýdan. *Aýdan-diýen köp bolar, çörek beren az bolar* (Nakyl).

**AÝDA-ROWANDA** [a:ýd(a)-yrowa:nna], *hal.* Se-tanda-seýranda, käwagt, örän seýrek.

**AÝDA-ÝYLDA** [a:ýda-ýylla], *hal.* Seýrek, käwagt, çendan. *Aýda-ýylda bir gelýäň, gelen wagtyň bir dutary ele al ahyryn!* ("Edebiýat we sungat").

**AÝDYJY**, *at.* **1**. Bir zat hakynda habar beriji, beýan ediji, gürrüň beriji. *Aýdyjy akmak bolsa, diňleýji dana gerek* (Nakyl). **2**. Labyzly ýerine ýetiriji, ýatdan dessan okaýjy. *Aýdyjy bagşy bolsa getiriberiň* ("Görogly").

**AÝDYLAN**, *at, gepl.d.* Sadaka. *Ol ertir aýdylan edýär.*

◊ **Aýdylan janly** kynçylyga uçran pursatynda hudaý ýoluna aýdylan janly we şol janly öldürilip berilýän sadaka.

**AÝDYLMAK**, *işl.* **1**. Bir zat hakynda habar berilmek, mälim edilmek. *Aýdylan söz – atylan ok* (Nakyl).

**AÝDYLYŞ**, *iş ady*. Aýdylmak ýagdaýy.

**AÝDYM**, *at.* Saza goşup ýa-da goşman owazly aýdylýan goşgy setirleri, sazly ýerine ýetirilýän goşgy sözleri.

◊ **Aýdym aýtmak** sazly eseri sesli ýerine ýetirmek. **Aýdym edinmek** bir işi etmäge hyýallanyp, wagtynda etmän, uzaga çekip ýörmek. *Gitjek-gitjek diýip, çöli aýdym edinibem, indi jana dert bolup ýörsüň diýseler, nähili bolar?* (N. Baýramow).

**AÝDYMÇY**, *at.* **1**. Saza goşup aýdym aýdýan adam, aýdymy ýerine ýetiriji, bagşy. **2**. *göç.m.* Wasp ediji, waspnamaçy, dabaralandyryjy. *Magtymguly eziz halkynyň, gözel ýurdunyň beýik aýdymçysy bolupdyr*.

**AÝDYMÇYLYK**, *at.* Aýdym aýdyjylyk, aýdym aýdyş sungaty, aýdymy ýerine ýetirmek ussatlygy. *Her bir diňlän adam bu türkmen gyzynyň aýdymçylyk zehininiň ýesiri bolýar* ("Edebiýat we sungat").

**AÝDYMLY**, *syp.* Aýdym aýdylyp ýörlen; içinde aýdym bolan.

**AÝDYM-SAZ** [aýdym-sa:z], *at.* Aýdylýan we ýerine ýetirilýän saz, aýdym.

**AÝDYŇ** [a:ýdyň], *syp.* **1**. Ýagty, dury, açyk, bulutsyz. *Aý aýdyňdyr süýt ýaly, Gyzlar oýnar gurt ýaly* (Halk döredijiliginden). **2**. Dogry, dürs, anyk, ynamly, hakyky. *Hany, näme diýjek bolýan bolsaň, aýdyňrak aýtsana*. **3**. Mälim, belli, äşgär, düşnükli, aýan. *Onuň bilen oturanyňda, gürleşeniňde hemme zat aýdyň bolýar.*

**AÝDYŇLAŞDYRMAK** [a:ýdyňlaşdyrmak], *işl.* Aýdyň, aýan etmek, takyk, belli etmek. *Şiriniň çykarylyşy barasynda bilýänleriniň baryny bir demine aýdyşdyryp çykaýasy geldi* (N. Saryhanow).

**AÝDYŇLAŞDYRYLMAK** [a:ýdyňlaşdyrylmak], *işl.* Aýdyň edilmek. *Ýygnagyň boljak güni aýdyňlaşdyryldy.*

**AÝDYŇLAŞMA** [a:ýdyňlaşma], *iş ady.* Aýdyňlaşmak ýagdaýy.

**AÝDYŇLAŞMAK** [a:ýdyňlaşmak], *işl.* **1**. Bir mesele, pikir we ş.m. aýdyň bolmak, takyklaşmak, mälim bolmak. *Onuň pikiri aýdyňlaşyp, kellesindäki uky dumany sowuldy* (B. Seýtäkow). **2**. Açylyşmak, durlanmak, aýyl-saýyl bolmak, ýagtylaşmak.

**AÝDYŇLAŞMAKLYK** [a:ýdyňlaşmaklyk], *iş ady.* Aýdyňlaşmak ýagdaýy.

**AÝDYŇLAŞMAZLYK** [a:ýdyňlaşmazlyk], *iş ady.* Aýdyň bolmazlyk.

**AÝDYŇLAŞYBERMEK** [a:ýdyňlaşyvermek], *işl.* Aýdyňlaşyp ugramak, aýdyňlaşyp başlamak.

**AÝDYŇLAŞYŞ** [a:ýdyňlaşyş], *iş ady.* Aýdyňlaşmak ýagdaýy.

**AÝDYŇLATMAK** [a:ýdyňlatmak], *işl.* Aýdyň bolar ýaly etmek; birine bir meseläni we ş.m. anyklatmak, takyklatmak, has düşnükli etdirmek. *Diňe onuň pikirini aýdyňlatmak üçin özüne sowal berdi* (B. Kerbabaýew).

**AÝDYŇLYK** [a:ýdyňlyk], *at.* **1**. Ýagtylyk, durulyk, açyklyk. *Aýdyňlykda hemme zat görnüp durdy.* **2**. Dogrulyk, dürslük, anyklyk, jikme-jiklik. **3.** Düşnüklilik, aýanlyk, mese-mälimlik, gümürtiksizlik. *Pikiriň aýdyňlygy ugrunda çalyşmaly.*

**AÝDYŞ**, *iş ady.* Aýtmak ýagdaýy.

**AÝDYŞDYRMAK**, *işl.* Aýdyp çykmak, jikme-jik mälim etmek, habar bermek, habar berip durmak.

**AÝDYŞMAK**, *işl.* **1**. Biri bilen aýdym, goşgy aýdyp ýaryşmak. *Bir gezek Weýran bagşy Hywa argyşa gidende Heleý bagşy bilen uzyn gije aýdyşypdyr* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Bilelikde biri-birine bir zatlar aýtmak. *Çagalar matal aýdyşýardylar. Adamlar bir zatlar-a aýdyşyp otyrdylar, ýöne näme diýýänlerini eşidip bilmedim.*

**AÝDYŞYK**, *at.* **1**. Aýdym aýtmak we ş.m. boýunça ýaryş. *Bagşylaryň aýdyşygy uzaga çekdi.* **2**. *edeb.* Goşguda beýan etmäniň bir görnüşi. *Magtymgulynyň "Habar ber – şeýledir" goşgusy aýdyşykdyr.*

**AÝGÄDIK** [a:ýğä:dik], *at.* Bir tarapy gädik üçburçluga meňzeş nagyş.

**AÝGYR** [aýğyr], *at.* **1**. Käbir mallaryň (gylýalyň, eşegiň) erkegi, erkek jynslysy. **2**. *syp., gepl.d.* Esrek. **3**. *kön.s.* Aýtgyr, aýdagan (adam). *Aýtsaň – aýgyr, diýseň – diýgir* (Nakyl).

**AÝGYRGYÝAK** [aýğyrğyýak], *at, ösüml.d.* Däneliler maşgalasyna degişli, mal üçin ot-iým hasaplanýan köpýyllyk ösümlik.

**AÝGYT** [aýğyt], *at.* **1**. Äşgär, belli, mälim, anyk zat. *Nury janymyň kime meňzeýändigini onuň mergenligi aýgyt eder* (N. Saryhanow). **2**. Belli bir zat hakynda gelnen netije, karar, ynam. *Iň soňky söz onuň öz aýgydyny berkitdi* (B. Kerbabaýew).

**AÝGYTLAMA** [aýğytlama], *iş ady.* Aýgytlamak ýagdaýy.

**AÝGYTLAMAK** [aýğytlamak], *işl.* Äşgär etmek, belli etmek, mälim etmek, anyklamak. *Beýlekiler bolsa obanyň golaýlaşandygyny Saranyň ýüzüne garap aýgytlardylar* (B. Seýtäkow).

**AÝGYTLAMAKLYK** [aýğytlamaklyk], *iş ady.* Aýgytlamak ýagdaýy.

**AÝGYTLAÝJY** [aýğytlaýjy], *syp.* Aýgyt ediji, çözüji, kesgitleýji, gutarnykly, esasy. *Üçünji aýlaw, aýgytlaýjy aýlawdy* ("Nesil").

**AÝGYTLY** [aýğytly], *syp.* Kesgitli, tutanýerli, anyk, çözgütli, gutarnykly. *Aýgytly ädim ätmek.*

**AÝGYTLYLYK** [aýğytlylyk], *at.* Kesgitlilik, tutanýerlilik, gutarnyklylyk.

**AÝGYZYL** [a:ýğyzyl], *at.* Gülýaka, gulakhalka ýaly şaýlaryň ýüzüne doluşmadyk aý görnüşinde üsti nokat-nokat edilip salynýan nagyş.

**AÝJYN**, *at.* **1**. Jyn. **2**. *göç.m.* Haýýar, şermende, şerraý, bihaýa.

**AÝKEŞDE** [a:ýkeşde], *at.* Tahýanyň depesine keşdelenip salynýan nagyş.

**AÝLABERMEK** [aýla:vermek], *işl.* Aýlap başlamak; aýlamak hereketini dowam etdirmek.

**AÝLAG** [a:ýlağ], *at, geogr.* Ummanyň, deňziň, kölüň gury ýere süsňäp girýän öwrümi.

**AÝLAMA**, *iş ady.* Aýlamak ýagdaýy.

**AÝLAMAK**, *işl.* **1**. Bir zady towlamak, pyrlamak. *Ol sagadyň dilini öňe aýlady.* **2**. Daşyndan öwürmek, dolamak, oramak, saramak. *Perim, seniň syýa zülpüň, Aýla boýnuma bent olsun* ("Görogly"). **3**. Bir ýere eltip, görkezip çykmak; ýanyň bilen alyp gidip gezdirmek, haýsydyr bir ýere, köp ýerlere eltmek. *Hawa, hawa, öz-ä maşyna mündürip aýlan bolara çemeli* (B. Pürliýew). *Muzeýe aýlamak. Şähere aýlamak.* **4**. Bulaýlamak. *Ol atyna gamçyny aýlap saldy.* **5**. Tersine öwürmek, terse bakmak. *Ol ýüzüni beýläk aýlady* (B.Kerbabaýew). **6**. Ýeriň, jaýyň daşyna gorag, padar bolsun diýip, haýat we ş.m. gurmak, salmak. *Mellegiň daşyna haýat aýlamak.* **7**. *göç.m.* Oýlamak, ölçermek, pikir etmek. *Ol köp zatlary hyýalynda aýlap çykdy.*

**AÝLAMAKLYK**, *iş ady.* Aýlamak ýagdaýy.

**AÝLAMAZLYK**, *iş ady.* Aýlamak hereketini ýerine ýetirmezlik, aýlap durmazlyk.

**AÝLAMPAÇ** [aýlampa:ç] **I**, *at.* Odun ýüklenenden soň, üstünligiň üstünden aýlap, astynlyga berkidiliş.

**AÝLAMPAÇ** [aýlampa:ç] **II**, *at.* Tegelekleýin gol tutuşyp, döwre gurap, aýlanylyp oýnalýan çaga oýny.

**AÝLANAÝYN,** "Başym gurban, döneýin" manysynda ulanylýan edep sözi.

**AÝLANDY** [aýlanny], *at.* El işlerindäki okgözi nagşynyň arasyndaky ýaşyl ýa-da gara ownuk nagyş.

**AÝLANDYRMAK** [aýlannyrmak], *işl.* **1**. Aýlanar ýaly etmek. **2**. Bir zady pyrlandyrmak, herekete getirmek. *Güýçli ýel degirmeniň perini aýlandyrdy.* **3**. Öwürmek, döndermek, bir haldan ikinji hala geçirmek. *Ýagty çyralar haly bilen bezelen tamy gündizlige aýlandyrýardy* (B. Kerbabaýew). **4**. *göç.m.* Sowmak, üýtgetmek. *Gürrüňi başga ýana bakan aýlandyrmaga çalyşdy* (B. Kerbabaýew).

**AÝLANDYRYLMAK** [aýlannyrylmak], *işl.* Aýlanar ýaly edilmek, aýlap durulmak. *Degirmeniň daşy motor bilen aýlandyrylýar.*

◊ **Aýlandyrylyp goýberilen ýaly** hiç zadyň ugruny bilmeýän, kellesine taýak degen ýaly.

**AÝLANJYRAMAK**, *işl.* Ýuwaşlyk bilen eýläk-beýläk gezmelemek, aýlaň-çaýlaň etmek, göwünli-göwünsiz gezim etmek.

**AÝLANMAK**, *işl.* **1**. Okunyň daşynda pyrlanmak, towlanmak. **2**. Daşyndan öwrülmek. *Men obanyň daşyndan aýlanyp geldim.* **3**. Salynmak, galdyrylmak. *Haýat aýlanmak.* **4**. Yzyna dönmek, yzyna öwrülmek. *Aňyrrak baryp, ýene yzyna aýlandy.* **5**. Baryp görmek, gezmek. **6**. Gazygynyň daşynda hereketlenmek, dar ýerde hereket etmek. **7**. Başga görnüşe geçmek, başga ýagdaýa geçmek. **8**. Hal işliginiň goşulmasyny kabul eden *aýlanmak* düýp işliginiň soňundan *durmak, ýörmek* kömekçi işlikleri gelip, hereketiň dowamlylygyny aňladýan düzümli işlikler ýasalýar: **Aýlanyp durmak** dowamly suratda gelip, gidip durmak; okunyň daşynda hereket etmek; öz ýoly bilen yzygiderli hereketlenmek, ýoremek. **Aýlanyp ýörmek** gezip ýormek, bir ýerde gezim etmek.

**AÝLANYŞ**, *iş ady*. Aýlanmak ýagdaýy.

◊ **Gan aýlanyş** adam bedeninde ganyň gan damarlaryndan akyş derejesi, akyş hereketi.

**AÝLANYŞMAK**, *işl.* Birnäçe at we ş.m. aýlanmak. *Atlar gazygynyň daşynda aýlanyşýardy.*

**AÝLAŇ-ÇAÝLAŇ: aýlaň-çaýlaň etmek** ýuwaşlyk bilen gezmelemek, äwmän-alňasaman gezelenç etmek. *Olar açyk howada aýlaň-çaýlaň edip ýördüler.*

**AÝLAP** [a:ýla:p], *hal.* Aýyň dowamynda, aýyň içinde.

**AÝLAŞDYRMAK**, *işl.* **1**. Eýlesine-beýlesine öwrüşdirmek, bir-birden aýlap çykmak. **2**. Köp ýerlere aýlap görkezmek. *Myhmanlary taryhy ýadygärliklere aýlaşdyrmak.*

**AÝLAŞMAK**, *işl.* **1**. Aýlamaga kömek etmek. **2**. Bilelikde aýlamak.

**AÝLATMAK**, *işl.* Aýlamaga mejbur etmek, aýlamak işini başga birine etdirmek.

**AÝLAW** [aýlow], *at.* **1**. At çapyşygy geçirilýän ýörite ýer, meýdan. *Aýlawyň gündogar tarapyndaky düzde atlar gezdirilip ýördi* ("Nesil"). **2**. Belli möçberdäki aýlawly çapyşyk. *Atlar iki aýlawy deň geçdiler* ("Nesil"). **3**. Halka, tegelek, öwrüm. **4**. Burum-burum, egrelip duran.. *Nohuryň belentli-pesli daglary, käkilikli jülgeleri, goşa aýlaw şahly umgalary nähili gözeldi!* (B. Kerbabaýew). **5**. Sowa, gyýtak, egri, öwrüm. *Apbaslaryň obasyna aýlaw kertden inip barylýar* (Ç. Aşyr).

**AÝLAW-AÝLAW** [aýlow-aýlow], *syp.* Köp aýlawly, öwrümli, öwrüm-öwrüm. *Dogrudan-da, aýlaw-aýlaw ýoda barha aşak inip, ýagty güneşiň nury gitdikçe kemelýärdi* (G. Kulyýew).

**AÝLAWLY** [aýlowly], *syp.* **1**. Köp aýlawy bolan, göni däl, öwrümli. *Aýlawly ýoda.* **2**. *göç.m.* Çylşyrymly, syrly, öwrümli. *Aýlawly gürrüň.* **3**. *göç.m.* Gabalan, gabalgy, daşyna taşa edilen. *Daşy aýlawly ýatak.*

**AÝLAÝYN** [a:ýlaýyn], *hal.* Bir aý dowam edýän, bir aý möhletli. *Biziň onuň bilen aýlaýyn şertnamamyz bar.*

**AÝLY** [a:ýly]**,** *syp.* **1**. Aý asmany ýagtyldyp duran, Aý çykyp duran, ýagty salyp duran. *Aýly agşam*. **2**. Oglana dakylýan at.

**AÝLYK** [a:ýlyk] **1**. *at.* Bir aýyň dowamynda çekilen zähmete tölenýän hak, iş haky. **2**. *syp.* Bir aý möhletli, bir aý dowam edýän. *Ol bir aýlyk iş saparyna gitdi.*

**AÝLYKÇY** [a:ýlykçy], *at.* Aýlaýyn iş haky alyp işleýän adam. *Garly kakasynyň köne gurallaryndan aýrylyp, köp ýyllap başga ussalaryň elinde aýlykçy bolup işledi* (A. Gowşudow).

**AÝLYK-GÜNLÜK** [a:ýlyk-günlük], *at.* Işlenen iş üçin zähmet haky.

**AÝMAK** [a:ýmak], *at, kön.s.* Urug, tire.

**AÝMANÇA** [a:ýmança], *at.* **1**. Odun-çöp, mal-gara we ş.m. saklar ýaly çöp-çalamdan, palçykdan salnan agyl, daşy berkidilen meýdança. *Goýun-guzy salar ýaly aýmança etdik.* **2**. Gonamçylykda mazaryň daşyna aýlanan pessejik haýat.

**AÝN**, *at, k.d..* **1**. Göz, göreç. *Şol wagtda Arkaç meniň aýnyma, Manent boldy toprak bile, gör bile* (Mätäji). **2**. *at.* Arap elipbiýiniň on sekizinji harpy. **3**. Ebjet hasabynda 70 (ýetmiş) sany aňladýan bellik.

**AÝNA** [a:ýna], *at.* **1**. Ak, ýalpyldawuk çägäni eretmek we himiki taýdan işlemek ýoly bilen alynýan dury jisim. *Aýna önümçiligi*. **2**. Arka ýüzüne reňk we syrça çalnan ýüz görülýän esbap, gözgi. *Bir gyz gördüm, aýna bakyp, Gara saçyn darap durka* (K. Gurbannepesow). **3**. Gözleri aýnalanan äpişge, penjire. *Ol aýnanyň öňüne baryp, daşaryk seretdi.* **4**. Ýakyn we daş aralykdan görmäge ýardam edýän äýnege dakylýan optiki çüýşe. **5**. *göç.m.* Wakalary, hadysalary beýan edýän görkezgiç. **6**. Gyza dakylýan at.

◊ **Aýnada gören ýaly** açykdan-açyk, ikuçsuz, mese-mälim, gümürtik däl. *Aýnada gören ýaly, ýanynda duran ýaly* (Matal*). Men şony aýnada gören ýaly bilýärin!* (N. Saryhanow). **Aýna ýaly** ýylmanak, tekiz, ýalpyldawuk; tämiz, arassa.

**AÝNABUKJA** [a:ýnavukjo], *at.* Gyralary dürli nagyşly aýna, başdarak salynýan gurama bukjajyk.

**AÝNAÇY** [a:ýnaçy], *at.* Penjirä aýna salýan, oturdýan ussa, aýna salyjy. *Aýnaçy ussa almaz bilen aýna kesýärdi*.

**AÝNAGAŞ** [a:ýnağa:ş], *at.* Zergärleriň reňkli çüýşe böleklerini eredip ýasaýan bezeg gaşy.

**AÝNAGONÇ** [a:ýnağonç], *syp.* Gonjy aýna ýaly ýalpyldap duran, ýaldyrawuk gonçly (ädik hakynda).

**AÝNAGÖL** [a:ýnağö:l], *at.* Hala, haly önümlerine salynýan kiçi ara göl.

**AÝNAGYÝYK** [a:ýnağyýyk]**,** *at.* Döwlen aýnanyň kiçiräk bölegi. *Elimi aýnagyýyk kesdi*.

**AÝNAJYK** [a:ýnajyk], *at.* Halynyň älemindäki sary gyranyň içine salynýan atanak şekilli ownuk nagyş.

**AÝNALAMA** [a:ýnalama], *iş ady.* Aýnalamak ýagdaýy.

**AÝNALAMAK** [a:ýnalamak], *işl.* Penjirä we ş.m. aýna salmak, aýna goýmak, aýna oturtmak. *Penjireleri aýnalamak işi galdy.*

**AÝNALAMAKLYK** [a:ýnalamaklyk], *iş ady.* Aýnalamak ýagdaýy.

**AÝNALAMAZLYK** [a:ýnalamazlyk], *iş ady.* Penjiräniň gözüne aýna salmazlyk.

**AÝNALANMAK** [a:ýnalanmak], *işl.* Aýna salynmak.

**AÝNALAŞMAK** [a:ýnalaşmak], *işl.* **1**. Aýnalamaga kömekleşmek. *Kakama öýüň äpişgelerini aýnalaşdym*. **2**. Birnäçe adam bilelikde aýnalamak, aýna salmak. *Ussalar täze mekdebiň penjirelerini aýnalaşyp ýör.*

**AÝNALATDYRMAK** [a:ýnalatdyrmak], *işl.* Aýnalamak işini başga birine etdirmek.

**AÝNALATMAK** [a:ýnalatmak], *işl.* Aýnalamak işini birine etdirmek; aýnalamaga mümkinçilik bermek.

**AÝNAL-BAKY** [aýnal-va:ky], **1**. *şahyr.* Ýaşaýyş çeşmesi. *Aýnal-baky suwnuň laýy, gözel sen* (Magtymguly). **2**. Medinede bolan bir çeşmäniň ady.

**AÝNALY** [a:ýnaly], *syp.* **1**. Aýna salnan, aýnalanan. *Aýnaly eýwan.* **2**. Ýüz görülýän aýnasy bolan, ýüz görülýän aýna goýlan, asylan. *Aýnaly diwar.* **3**. *at, gepl.d.* Ýolagçy gatnadýan uly awtobus.

**AÝNAMA**, *iş ady.* Aýnamak ýagdaýy.

**AÝNAMAK**, *işl.* **1**. *gepl.d.* Üýtgemek. *Il-gün görse, Görogly aýnapdyr ýa däliräpdir diýer* ("Görogly"). **2**. Kelpeňlik etmek, kilçik bolmak, eljiremek, gülkünç hereketler etmek. *Çagajyk ejesiniň gujagynda aýnap otyr*.

**AÝNAMAKLYK**, *iş ady.* Aýnamak ýagdaýy.

**AÝNAMAZLYK**, *iş ady.* **1**. *gepl.d.* Üýtgemezlik. **2**. Aýny hereketler etmezlik (çaga hakynda).

**AÝNAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup aýnamak. *Zat diýilmänsoň, çagalaram aýnaşyp otyrdylar.*

**AÝNATMAK**, *işl.* Biriniň aýnamagyna sebäp bolmak; üýtgetmek. *Şol kepjesakgal molla dilini aýnadyp, sesiniň labzyny arapçamy ýa-da başga bir zatçamy üýtgedip okaýardy* (N. Saryhanow).

**AÝNY I**, *syp.* Gelşikli, enaýy. *Aýny çagajyk. Çagajygyň aýny hereketleri.*

**AÝNY II**, *syp.* Edil, tüýs. *Ýigrim bäş ýaşynda, aýny wagtynda, Mätäjini goç gardaşdan aýyrdy* (Mätäji).

**AÝNYJA**, *syp.* Nakysja, naşyja, enaýyja, gelşiklije. *Aýnyja aýylar aýlanyp her ýan, Ymsynýar doňdurma naýynjar garap* (A. Agabaýew). *Aýnyja çaga*.

**AÝŇALMA**, *iş ady.* Aýňalmak ýagdaýy.

**AÝŇALMAK**, *işl.* **1**. Näsaglykdan saplanmak, syrkawlykdan açylyşmak, bäri bakmak, ganymatlaşmak. **2**. Özüňe gelmek, akyl-huşuňa aýlanmak. **3**. *göç.m.* Özüňi tutmak, daýanmak, tijenmek, kuwwatlanmak.

**AÝŇALMAKLYK**, *iş ady.* Aýňalmak ýagdaýy.

**AÝŇALMAZ**, *syp.* Aýňalmaýan. *On ýylky aýňalmaz hassa, Pynhan derdim desse-desse* (Hatam şahyr). *Asyl aýňalmady bu garyp bagtym, Topraga garyldy, ýykylyp tagtym* (Baýly şahyr).

**AÝŇALMAZLYK**, *iş ady.* Aýňalmak derejesine gelmezlik. *Aýaklaryna badak saldy-da, gaýdyp aýňalmaz ýaly edip urdy* (B. Gulow).

**AÝŇALTMAK**, *işl.* Aýňalmak derejesine ýetirmek. *Ony lukmanlaryň emi aýňaltdy.*

**AÝŇALYŞ**, *iş ady.* Aýňalmak ýagdaýy. *Diňe ýeňiş! Ýeňiş, ýene-de ýeňiş! Doly ýeňişden soň bolar aýňalyş* (B. Kerbabaýew).

**AÝŇALYŞMAK**, *işl.* **1**. Ýuwaş-ýuwaşdan, dura-bara aýňalmak, aýak üstüne galyp başlamak, keselden açylyşmak. **2**. Kem-kemden huşuňa gelmek, özüňe gelmek. *Onuň kellesine degen urgy aňsat aýňalyşar ýaly etmändir.* **3**. Özüňi tutup, gurplanyp, tijenip başlamak.

**AÝPALTA** [a:ýpalta], *at.* Köne wagtda sowuk ýarag hökmünde ulanylan, agzy ýasy, ýarymaý görnüşli uzyn saply palta. *Pyçak, aýpalta göterip, bir ýyl köşkde hyzmat etdi* ("Görogly").

**AÝRA**, *syp.* Biri-birinden arasy daş, üzňe; başga, aýry. *Pakyr menem, senden aýra ýerim ýok, Bir teselli bergin köňlüme meniň* (Magtymguly).

◊ **Aýra düşmek** biri-birinden aýrylmak, aýralyga uçramak, jyda düşmek, aýrylmak. *Ilinden aýra düşen, Ah urar, ili gözlär* (Magtymguly). **Aýra salmak (salmazlyk)** biri-birinden aýyrmak, aýralyga sezewar etmek, jyda etmek. *Ýurdy bulan haýyn duşman, Aýra saldy ýardan ýary* (B. Kerbabaýew). *Ähli syrymy saklan, bagt getiren öýümizden meni aýra salaýmasa ýagşydyr* (N. Saryhanow).

**AÝRAÇYLYK**, *at, ser.* **Aýralyk 1**.

**AÝRAK**, *at, haýwanat d.* Dag goçy. *Dagdan aýrak, umga ýykan, Mergenler geçen ýoldur bu* (Zelili). *Her kime bir döwran geler çaglardan, Aýrak gezip, myrat tapar daglardan* (Talyby).

**AÝRALYK**, *at.* **1**. Biri-birinden aýra düşmeklik, biri-birinden daşda bolmaklyk, aýraçylyk. *Söýgüdir, dostlarym, durmuşyň täji, Aýralyk ajydyr, tapyşmak süýji* (A. Kekilow). **2**. *göç.m.* Ölüm-ýitim, baky jydalyk. *Juwan ömri alyp gitdi aýralyk, Şahyram aglady, şygram aglady* (M. Seýidow).

◊ **Aýralyk ody** aýralygyň derdi, azaby.

**AÝRAN**, *at.* Ýanlykda ýaýylyp, ýagy alnan gatykdan galan çal. *Aýrana gelen tabagyny gizlemez* (Nakyl). *Ahyry patyşa hyzmatkärleriniň birine: "Baryň, garryja enäni hem aýrany bilen alyp geliň" diýip ugradypdyr* ("Nesil").

**AÝRATYN** [aýraty:n], *syp.* **1**. Haýsydyr bir zatdan tapawutly, üýtgeşik, beýlekilere garanda parhly. *Göräýmäge onuň beýleki galalardan şeýle bir aýratyn üýtgeşikligi ýokdy* (G. Kulyýew). **2**. Özboluşly, başgaça. *Meniň aýtjak bolýanym, belki, onuň seniň bilen aýratyn gürrüňi bardyr* (B. Kerbabaýew). **2**. Örän üýtgeşik, adaty däl. **3**. Özbaşyna, aýry. *Şahyryň eserleri aýratyn ýygyndy bolup çykdy.* **4.** “Has, gaty, juda, öte” manysynda ulanylýan söz. *Dursun eje aýratyn horlandy* (T. Gurbanow).

**AÝRATYNLAMAK** [aýraty:nlamak], *işl., gepl.d.* Beýlekilerden saýlamak, ýöriteläp görkezmek, tapawutlandyrmak. *Aýratynlap biriniň adyny tutmady.*

**AÝRATYNLAŞMAK** [aýraty:nlaşmak], *işl., gepl.d.* Özbaşdaklaşmak, ýeke bolmak; ilden saýlanmak.

**AÝRATYNLYK** [aýraty:nlyk], *at.* **1**. Häsiýetli, tapawutly alamat; biriniň, bir zadyň özboluşly alamaty. *Eseriň aýratynlyklary*. **2**. Aýry-aýrylyk. *Gözaradakylar her atlyny aýratynlykda saýgaryp başladylar* (B. Seýtäkow).

**AÝRY I**, *syp.* **1**. Özge, başga. **2**. *göç.m.* Üýtgeşik lezzetli, ýakymly, şypa beriji, ýaramly. *Tüsse siňen gök çaýyň aýry bolýar lezzeti* (K. Gurbannepesow). **3**. Özbaşyna, özbaşdak, biri-birinden üzňe. *Enesinden aýry ýatmaz oglanlar, Ýa reb, gören barmy bulardan, iller?* (Magtymguly).

◊ **Aýry görmezlik** kem görmezlik, pes tutmazlyk, deň görmek. *Ol goňşy çagalary öz ogul-gyzlaryndan aýry görenok.* **Aýry tutmak** ala tutmak, bir gözde görmezlik. *Onuň işgärleri aýry tutmasy ýokdur.*

**AÝRY II**, *at.* Iki örküçli düýe, maýa, bugra. *Garry batyryň kerweni bir iner hem aýrydan ybaratdy* (A. Gowşudow).

**AÝRY-AÝRY**, *syp.* **1**. Dürli-dürli, başga-başga, aýrybaşga, özge-özge, birmeňzeş däl. **2**. Belli-belli, käbir, birnäçe. **3**. Özbaşdak, özbaşyna, bölek-bölek. *Her ýandak küdesini aýry-aýry ýerde basdylar.*

**AÝRY-AÝRYLYKDA** [aýr(y)-aýrylykda], *hal.* Özbaşdaklygyna, aýratynlykda. *Ol ilçiniň kagyzdan okaýan sözlerini aýry-aýrylykda aňşyryp bilmeýärdi* (B. Seýtäkow).

**AÝRYBAŞGA** [aýryvaşğa], *syp.* **1**. Aýratyn, ýörite, belli-belli, aýry-aýry. *Işi derňemek aýrybaşga adamlara tabşyrylypdy. Ol saňa aýrybaşga hyzmat eden däldir.* **2**. Örän, juda, has. *Ol körpe agtygyny aýrybaşga gowy görýärdi.*

**AÝRYK**, *at.* Ýaryk, jaýryk. *Gara daşyň aýrygy.*

**AÝRYLMA**, *iş ady.* Aýrylmak ýagdaýy.

**AÝRYLMAK**, *işl.* **1**. Jyda bolmak, aýra düşmek, aýralyga sezewar bolmak. *Ýaryndan aýrylan ýedi ýyl aglar, Ilinden aýrylan – ölinçä* (Nakyl). *Watandan aýrylyp, ýalňyz düşmeýen, Ülkesinde il gadryny näbilsin* (Magtymguly). **2**. Ýaşamagyny, dowam etmegini bes etmek, ýykylmak, dargamak. *Agyr döwletler aýrylar, Bir agza bakmaýan ärden* (Magtymguly). **3**. Gitmek, ara açmak, daşlaşmak. *Eger her kim gorky etse janyndan, Aýrylmasyn aýalynyň ýanyndan* (Seýdi). **4**. Bölünmek, bölünip özbaşdak bolmak. *Berdiňem sizden aýrylyp gitjek ýeri ýok* (H. Derýaýew). **5**. Böleklenmek, ýarylmak. *Odun aýrylyp bolundy.* **6**. Çykmak, gitmek, boşamak. *Ol wezipesinden aýrylypdyr.* **7**. Talagyny almak, nikany bozmak. *Ol gelin ärinden aýrylypdyr.* **8**. Özbaşyna öý bolmak, aýratyn hojalyk gurmak. *Ata öýlenenden soň, ene-atasyny inisine tabşyryp, aýrylyp gitdi.* **9**. Aradan çykmak, ölmek. **10**. Çaga düşmek. *Onuň göwresindäki dört aýlyk çagasy aýrylypdyr.* **11**. Agyrysy gitmek, gutulmak. *Onuň kelle agyrysy şolbada aýryldy.* **12**. Bir zat ýatan, duran ýerinden alnyp gidilmek, ýygnalmak. *Saçagyň üstündäki gap-gaçlar aýryldy.* **13**. Syrylmak, ýok bolmak. *Gökdäki gara bulutlar aýryldy.* **14**. *göç.m.* Daş düşmek. *Huda buýrugyndan aýrylan juwan, Oýnaşyndan haram köle getirmiş* (Magtymguly).

**AÝRYLMAZ**, *syp.* Bölünip aýrylmaýan, aýryp, taşlap bolmaýan, bölünmez. *Aýrylmaz goňşyňa unutgysyz söz aýtma* (Nakyl).

**AÝRYLMAZLYK**, *iş ady.* Aýrylmak hereketi ýerine ýetirilmezlik; aýra düşmezlik, ýurduň içinden çykyp başga ýurda gitmezlik.

**AÝRYLYBERMEK** [aýrylyvermek], *işl.* Aýrylyp başlamak; aýrylmaga başlamak.

**AÝRYLYŞ**, *iş ady.* Aýrylmak ýagdaýy.

**AÝRYLYŞDYRMAK**, *işl.* **1**. Aýrylyşmak derejesine ýetirmek. *Men onuň bilen ýaşaşjak däl, bizi aýrylyşdyryň – diýip haýyş etdi.* **2**. Arasyna düşmek, dawasyny, jedelini açmak, aralamak. *Itleri aýrylyşdyrdylar.*

**AÝRYLYŞMAK**, *işl.* **1**. Biri-birinden aýrylmak. **2**. Är-aýalyň biri-biri bilen nikasyny bozmagy. *Ol ikisi bir ýyl ýaşaşyp-ýaşaşman aýrylyşypdyr.*

**AÝRYM**, *çal., ýerli g.* Käbir.

**AÝRYŞ**, *iş ady.* Aýyrmak ýagdaýy.

**AÝRYŞDYRMAK**, *işl.* **1**. Aýryp çykmak, ýaryp-ýaryp gutarmak, bölekleşdirmek. *Odunlary aýryşdyrmak.* **2**. Wezipesinden, boşadyşdyrmak, işden çykaryşdyrmak. *Ol işgärlerini aýryşdyrdy.* **3**. Gap-gaçlary we ş.m. ýygnaşdyrmak. *Ol saçagyň üstündäki gap-gaçlary aýryşdyrdy.* **4**. Aýryp taşlaşdyrmak. *Magtymguly baryp ýabynyň boýnuny, ýagyrnysyny sypalaşdyrdy, ýalyna ilen çöp-çalamlary aýryşdyrdy* (G. Kulyýew).

**AÝRYŞMAK**, *işl.* **1**. Aýyrmaga kömekleşmek. *Men oňa goşlary aýryşdym.* **2**. Bilelikde aýyrmak. *Olar odun aýryşyp dur.*

**AÝRYT**, *at.* **1**. Ýoluň, köçäniň we ş.m. bölünýän, biri-birinden aýrylýan ýeri. *Şol mahal öz öýlerine baka ýol aýrydyna gelen Kelje sowulmakçy boldy* (A. Gowşudow). **2**. Iki buduň çanaklykdan aýrylýan ýeri, çatalba. *Derýanyň kä ýeri uýlugyndan, kä ýeri aýrydyna ýa ýetýär, ýa ýetenok* ("Görogly").

**AÝSAÝYN** [a:ýsa:ýyn], *hal.* Her aýda, aýdan-aýa, aý geçdigiçe. *Gaýgy-ünji ony aýsaýyn basmarlaýardy.*

**AÝŞ**, *at, şahyr., ser.* **Aýşy-eşret**. *Gussa bilen gün geçirme, muşakgat, Ne janda parahat, ne bir aýş galdy* (Magtymguly). *Zelili bu ýurtda aýş ýok, höwes ýok, Her kim başyna gaý, belent ýok, pes ýok* (Zelili).

**AÝŞY-EŞRET** [aýş(y)-eşiret], *at.* Keýpi-sapa, lezzet, eşret, şatlykly döwran, sapaly çag. *Agaýunus öz tagtyna eýe bolup, aýşy-eşretde bolubersin* ("Görogly").

**AÝT**, *at.* Baýram, toý.

◊ **Aýt gezmek** köplenç, gurban, oraza baýramlarynda köpçülikleýin baýramçylyk gezelenjini etmek.

**AÝTABAK-GÜNTABAK** [a:ýta:vak-günta:vak], *at.* Çagalaryň, ýetginjekleriň oýnaýan gadymy milli oýny.

**AÝT-BAÝRAM**, *at, ser.* **Aýt**.

**AÝTDYRMAK**, *işl.* Aýtmaga mejbur etmek, aýtmaga mümkinçilik bermek, aýdar ýaly derejä ýetirmek. *Mama uzak gije Aýnanyň daşyna geçipdi, emma kimiň alyp gaçanyny aýtdyryp bilmändi* (B. Kerbabaýew).

◊ **Bagşy aýtdyrmak** märekä bagşy çagyryp, onuň aýdym aýtmagyny guramak.

**AÝTEREK-GÜNTEREK** [a:ýterek-günterek], *at.* Çagalaryň ikä bölünip oýnaýan oýny. *Aýterek-günterek! Bizden size kim gerek? Saýrap duran dil gerek* (Sanawaç).

**AÝTEŞE** [a:ýteşe], *at, gepl.d.* Ýogyn agaçlar ýonulýan uly teşe.

**AÝTMA**, *iş ady.* Aýtmak ýagdaýy.

**AÝTMAK**, *işl.* **1**. Bir zat hakynda söz arkaly habar bermek, mälim etmek, diýmek, duýdurmak. *Bilmeýen soranlara aýdyň bu garyp adymyz: Asly – gerkez, ýurdy – Etrek, ady Magtymguludyr* (Magtymguly). **2**. Gürrüň bermek, söhbet açmak, gürlemek. *Niçe aýtsam eşitgüji dana kany?* (Hoja Ahmet Ýasawy). **3**. Hal işligiň şekilindäki *aýtmak* işliginiň yzyndan *bermek, bilmek* ýaly kömekçi işlikleriň biri gelende, täze manyly düzümli işlikler ýasalýar: **Aýdyp bermek** sözleýän adamyň özi gürrüň etmek, söhbet etmek. **Aýdyp bilmek (bilmezlik)** aýtmagy başarmak, aýtmagyň hötdesinden gelmek.

◊ **Aýdanyň gelsin** diýeniň bolsun, dilegiň kabul bolsun, arzuwyň amala aşsyn (ýagşy niýetli arzuwa gaýtargy). *Ogul ýaşy uzyn bolsun! – Aýdanyň gelsin!* **Aýdary ýok, diýeri ýok** *gepl.d.* ýagdaýyny aýtmaga adam ýok (söz düzüminiň işlikden bolanlary degişlilik goşulmalaryny kabul edýär: *aýdarym, diýerim; aýdaryň, diýeriň; aýdary, diýeri*). *Aýdary ýok, diýeri ýok, alaçsyz ýolda galyp, şol içini tutup otyr*. **Aýdyp geç (geçsin)** adatça, düýp derejedäki *geçmek* işligi hal işlik goşulmasy goşulan *aýtmak* işliginiň yzyndan gelip, biriniň eden ýa-da heniz etmedik hereketini oňlamadyk adam tarapyndan aýdylýar. *Pagtany az ýygandygymy aýdyp geçsin-le.*

**AÝTMAK-AÝTMAK**, *işl.* Köp gezek gaýtalap aýtmak. *Saňa-da aýtmak-aýtmak, diýlenini edibereňok.*

**AÝTMAKLYK**, *iş ady.* Aýtmak ýagdaýy.

**AÝTMAZLYK**, *iş ady.* Aýdyp durmazlyk, aýtmak işini amal etmezlik, söz arkaly habar bermezlik, diýmezlik.

**AÝTMYŞLAÝYN**, *hal.* Aýdyşyna görä, aýdyşy ýaly, diýmişleýin.

**AÝTYM** [a:ýtym], *at.* **1**. *gepl.d.* Eliň aýasy. **2**. Kiçeňräk meýdan; bir zadyň tutýan, eýeleýän ýeri. *Olar gün öýleden agyp, çala salkynlyk aralaşandan soň, giň bir aýtymda pökgi oýnaýardylar* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç.m.* Pikirleniş ukyby, gözýetim, dünýägaraýyş. *Aýtymy dar adam.*

◊ **Eliň aýtymy ýaly ýer** ujypsyz, azajyk ýer.

**AÝTYMÇA** [a:ýtymça], *at.* Kiçeňräk meýdança.

**AÝUW I**, Birini çagyrmak, birine habar gatmak üçin aýal maşgala tarapyndan ulanylýan ümlük. *– Aýuw, saňa näme bolaýdy? – diýen ses eşidildi* (B. Kerbabaýew). *– Aýuw, Annaň kakasy, size diýýän: meniň toýuma çagyrjagym, uzak ýerlerden geljegim kändir. Sähedi aýyň aýaklaryna golaý belläweriň!* (B. Kerbabaýew).

**AÝUW II**, *at.* Hakyky durmuşdan üzňe, ertekilerde, rowaýatlarda duş gelýän, göýä adam pisint hyýaly jandar. *Hernä, şol wagt aýuw gowakda ýok eken* ("Watan").

**AÝY**, *at.* Demirgazyk buzlugynda, tokaýlarda ýaşaýan tüýlek, güýçli ýyrtyjy haýwan, hyrs. *Günlerde bir gün dört sany dost: aýy, ýekegapan, tilki we towşan üýşüp, towşanyň öýüne gezmäge gelen pişigi aýynyň öýüne myhmançylyga çagyrmakçy bolýarlar* (Halk ertekisinden).

◊ **Aýy dostlugy** hantamaçylyk gatnaşygy, bolgusyz zada esaslanýan dostluk, yrga dostluk. *Bilgil, uzak gitmez aýy dostlugy, Gahry gelse, depäň üzre daş döker* (Magtymguly). **Ak aýy** aýylar maşgalasyndan bolan ak reňkli süýdemdiriji ýyrtyjy haýwan.

**AÝYK**, *syp., ser.* **Anyk**.

**AÝYKLAÝJY**, *at, dil b.* Sözlemde eýä, habara ýa-da biri-birine baglanyp, olary aýyklap, belli bir sowala jogap bolup gelýän söz, sözlem agzasy. *Sözlemde eýe, habardan başga aýyklaýjy agzalar hem bolýar.*

**AÝYL** [aýyl], *syp., kön.s.* Düşünjeli, gaflat ukusyndan oýanan, dünýä akyl ýetirýän.

**AÝYLGANÇ** [aýylğanç], *syp.* **1.** Eýmenç, howply, gorkuly, hopukdyryjy. *Arabyň aty aýylganç kişňedi, sesi tokaýlara-daglara düşüp ýaňlanyp gitdi* ("Görogly"). **2**. Ýigrenji, erbet, ýaramaz, gorkunç.

**AÝYLGANÇLYK** [aýylğanyşlyk], *at.* **1**. Eýmençlik, howplulyk, hopukdyryjylyk. **2**. Ýigrenjilik, pislik, ýaramazlyk, gorkunçlyk.

**AÝYLMAK**, *işl., kön.s.* Ukudan açylmak, oýanmak. *Aýyl, aşygym, aýyl* (Magtymguly). **2**. Gara öýüň tärimi gerlip, öý gurnalyp başlanmak. *Üçünji öýüň bolsa ýaňy tärimi aýylyp, onuň çatylary, söýeleri saralýardy* (B. Kerbabaýew).

**AÝYLMAK** [a:ýylmak]: **essiň aýylmak** ysgynyň gidip, aňyň bulaşmak, ysgyn-deramatyň galmazlyk.

**AÝYL-SAÝYL**, *syp.* Mese-mälim, has aýdyň, açyk, aýan. *Atlaryň nally aýaklarynyň sesi bolsa indi aýyl-saýyl eşidilýärdi* (B. Seýtäkow).

*Aýyl-saýyl etmek.*

**AÝYL-SAÝYLLAŞDYRMAK**, *işl.* Birnäçe zady seljerişdirmek, saýpallaşdyrmak, mese-mälim edişdirmek; gözden geçirişdirmek.

**AÝYLTYM** [a:ýyltym], *at, ser.* **Aýtym**.

**AÝYN: aýyn bolmasa** iň bolmanda, juda bolmasa.

**AÝYNMAK**, *işl., kön.s.* Üýtgemek. *Gözel görküň gökde günden aýynmaz* (Magtymguly).

**AÝYNMAZ**, *syp.* Tüýs, edil, hakyt.

**AÝYNMAZ-BAÝYNMAZ** [aýynmaz-waýynmaz], *syp., gepl.d.* Üýtgewsiz, üýtgemedik. *Ogly hem aýynmaz-baýynmaz, kakasy-da!*

**AÝYŇ**, *at.* Guýudan suw çekilýän gowanyň agzyndaky ýüp baglanýan atanak agaç (aýyňyň dört ujuna gowanyň baglary, ortasyna gowa çekilýän urgan baglanýar).

**AÝYP**, *at.* **1**. Şikes, kem. **2**. Ile-güne sygmaýan hereket, iş, ilden çykgynç etmiş, utanç, günä; müýn. *Erkek adamlara aglamak aýyp* (B. Hudaýnazarow). **3**. Kemçilik, ýetmezçilik. *Aýybyny ýaşyran aýňalmaz* (Nakyl).

◊ **Aýyby ýok** zyýany ýok, zeleli ýok, aýyp däl. *Aýyby ýok, gelsin, tanşarys*. **Aýyp etmek** kemçilik hökmünde geň görmek.

**AÝYPLABERMEK** [aýypla:vermek], *işl.* Aýyplap ugramak.

**AÝYPLAMA**, *iş ady.* Aýyplamak ýagdaýy.

**AÝYPLAMAK**, *işl.* Eden etmişini boýnuna goýmak, aýybyny açmak, günäkärlemek, jenaýatyny subut etmek.

**AÝYPLAMAKLYK**, *iş ady.* Aýyplamak ýagdaýy.

**AÝYPLAMAZLYK**, *iş ady.* Aýyp ýöňkemezlik, günä bildirmezlik.

**AÝYPLANMAK**, *işl.* Aýyp ýöňkelmek, günä bildirilmek.

**AÝYPLAŞMAK**, *işl.* **1**. Aýyp görmek, geň-taň görmek. *Bu ýerde aýyplaşar ýaly zat ýok ahyry*. **2**. Göwün etmek, kine etmek. *Oglum, pukaraçylyk-da, aýyplaşmaweri* ("Görogly").

**AÝYPLAŞMAZLYK**, *iş ady*. Aýyp görüp, göwün etmezlik, kine etmezlik.

**AÝYPLAÝJY**, *at.* **1**. *gepl.d.* Aýybyny subut ediji, aýybyny boýnuna goýujy, garalawçy. **2**. *syp.* Aýybyny açýan, aýyplydygyny görkezýän.

**AÝYPLAÝYŞ**, *iş ady.* Aýyplamak ýagdaýy.

**AÝYPLY**, *syp.* **1**. Aýyby bar bolan, günäli, etmişli; müýnli. *Özüni Jereniň öňünde aýyply ýaly duýdy, içinden ötünç sorady* (G. Kulyýew). **2**. *gepl.d.* Şikesli, kemli. *Aýyply diýip, pylanyň ogluna gyz bermediler.*

**AÝYPLYLYK**, *at.* **1**. Aýyby barlyk, günälilik, etmişlilik, ýazyklylyk; müýnlülik. **2**. Synasynda ýetmezi barlyk, şikeslilik. *Aýyplylyk ony çykgynsyz güne goýýardy.*

**AÝYPLYRAK** [aýyplyra:k], *syp.* Az-kem aýyby bolan.

**AÝYPSYZ**, *syp.* **1**. Aýyby bolmadyk, günäsiz, ýazyksyz, etmişsiz; müýnsüz. *Emma eziz perzendiň aýypsyz ýürekden syzyp çykýan zaryn sowallary onuň ünji-aladasyny ýaňadandan goşalandyrdy* (B. Kerbabaýew). **2**. Kemçiliksiz, şikessiz, kemsiz. *Bir aýypsyz gözel bolmaz* (Nakyl).

**AÝYPSYZLYK**, *at.* **1**. Aýyby ýokluk, günäsizlik, ýazyksyzlyk, etmişsizlik; müýnsüzlik. *Hiç bir aýypsyzlygy onuň göwnüni göterýärdi.* **2**. *göç.m.* Şikessizlik, kemsizlik, synasy saglyk. *Ol özüniň aýypsyzlygyny mazamlap durmaýardy.*

**AÝYPSYZRAK** [aýypsyzyra:k], *syp.* Aýyby azrak, ýazygy ujypsyzrak.

**AÝYRTDYRMAK**, *işl., ser.* **Aýyrtmak**. *Odun aýyrtdyrmak.*

**AÝYRGYÇ** [aýyrğyç], *at, dil b.* Sözlemde eýä, at ornunda gelen her bir agza baglanyp, olary aýyklaýan söz, aýyklaýjy agza. *Sypat aýyrgyjy, esasan, sypatlardan bolýar.*

**AÝYRMA**, *iş ady.* Aýyrmak ýagdaýy.

**AÝYRMAK**, *işl.* **1**. Aýra düşürmek, aýralyga sezewar etmek, biri-birinden jyda düşürmek. *Zülpi tarym aldyň goldan, Aýyrdyň bir ýalňyz saldan* (Magtymguly). **2**. Çykarmak, alyp goýmak. *Ol dürbüsini gözünden aýyrdy.* **3**. Döwmek, owratmak, ýarmak, uşatmak. *Uzyn gije ojar aýryp, Daňa golaý zordan sypdym* (K. Gurbannepesow). **4**. Bir ýerden ikinji ýere üýtgetmek, süýşürmek, gozgamak, sowmak. *Ol goşlary ýol üstünden beýleräk aýyrdy.* **5**. Boşatmak, çykarmak (işden, wezipeden). *Aýyrjak bolsalar-da, Ellerinden gelmeýär* (A. Alamyşow). **6**. Tapawutlandyrmak, parhlandyrmak, arasyny açmak, seljermek. *Ýagşy-ýamany biri-birinden aýyrmagy başarmaly.* **7**. Nikany bozmak, talagyny bermek. **8**. Goparyp başlamak, gyrçamak; saplamak. *Ekiniň hapa-haşal otlaryny aýyrmak gerek ekeni.* **9**. Özbaşyna öý-işik etmek, özbaşdak etmek. *Ussa kiçi oglunam öten ýyl aýyrdy.* **10**. *hasap.* Bir sandan ikinji bir sany kemmek. *Başga bir gezek okuwçylaryň ekabyrragy:*

*– Anna kaka, bize diňe goşmagy öwredýärsiňlaý! Aýyrmagy öwretjek dälmi?* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Älem içre at gezer").

◊ **Aýyrmak alamaty ( – )** bir sandan ikinji bir san aýrylanda, kemeldilende goýulýan belgi.

**AÝYRMAKLYK**, *iş ady.* Aýyrmak ýagdaýy.

**AÝYRMAZLYK**, *iş ady*. Aýyrmak işini, hereketini etmezlik.

◊ **Gözüni aýyrmazlyk** dikanlap seretmek, gözüni şol bir nokada gönükdirmek. *Ýigit gyzlardan gözüni aýyrman durdy.*

**AÝYRTMAK**, *işl.* Aýyrmak işini başga birine etdirmek. *Çagasynyň aýakgabyny aýyrtdy. Odun aýyrtmak. Ýükleri aýyrtmak. Işden aýyrtmak. Haşal otlary aýyrtmak. Ondan bäşi aýyrtmak.*

**AZ** [a:z], **1**.*at.* San taýyndan köplük däl, azlyk. *Köp nirä bolsa, az hem şoňa* (Nakyl). **2**. *syp.* Sähelçe, birneme; ujypsyz. *Az iýip, az uklap, ýene az sözle, Köp söz ahyr il içinde har eýlär* (Magtymguly). *Az bolsun, uz bolsun* (Nakyl).

◊ **Az görmek** az hasaplamak, az diýen netijä gelmek.

**AZA** [aza:], *at.* Bedende döreýän agyry, yza, ynjy. *Agyr ýaranyň azasy*.

◊ **Azasyny almak 1)** agyrysyny aýyrmak. *Ýaranyň azasyny almak.* **2)** gözüniň oduny almak, zähresini ýarmak, gorkuzmak, howuny basmak.

**AZAJYK** [a:zajyk], *syp.* Sähelçejik, ujypsyzja, az-kem. *Azajyk gaýgyny aş basar* (Nakyl).

**AZAK-TENEK** [a:zak-tenek], *syp.* Az-kem, az-owlak (zat hakynda).

**AZAL**, *at.* Ata, öküze, düýä goşulyp ýer sürmek üçin ulanylýan gural. *Onuň yzyndaky azal tutup gelýän kakasy bolsa, çendan "Gel!" diýip, ony yzyna dolaýardy* (B. Kerbabaýew).

**AZALDYLMAK** [a:zaldylmak], *işl.* Mukdar taýdan kemeldilmek.

**AZALLAMAK**, *işl.* Azal bilen sürmek.

**AZALMA** [a:zalma], *iş ady.* Azalmak ýagdaýy.

**AZALMAK** [a:zalmak], *işl.* **1**. Kemelmek, mukdar taýdan az bolup ugramak, egsilmek. *Gelýänden gidýänler has köpelýärdi, Toýlar azalýardy, ýas köpelýärdi* (K. Gurbannepesow). **2**. Belli bir derejeden peselmek, gysgalmak. *Ondan soň onuň tamasy azalyp ugrapdy.*

**AZALMAKLYK** [a:zalmaklyk], *iş ady.* Azalmak ýagdaýy.

**AZALMAZLYK** [a:zalmazlyk], *iş ady.* Kemelmezlik.

**AZALTDYRMAK** [a:zaltdyrmak], *işl.* Mukdar taýdan az bolar ýaly etdirmek; azaltmaga mümkinçilik bermek; azaltmak işini başga birine etdirmek.

**AZALTMAK** [a:zaltmak], *işl.* **1**. Mukdar taýdan kemeltmek, az etmek. **2**. Gysgaltmak.

**AZALY** [aza:ly], *syp.* Azasy bar bolan, agyryly, yza berýän (ýara we ş.m. hakynda). *Ýarasy azaly boldy.*

**AZALYBERMEK** [a:zalyvermek], *işl.* Azalyp başlamak.

**AZALYLYK** [aza:lylyk], *at.* Azasy, agyrysy barlyk, agyrylylyk.

**AZALYŞMAK** [a:zalyşmak], *işl.* Barha azalmak, dura-bara azalmak, kem-kemden egsilişmek, kemelişmek. *Märeke azalyşyp ugrady.*

**AZAN** [aza:n], *at.* **1**. Yslam dininde adamlary namaz okamaga çagyrmak üçin gaty ses bilen okalýan doga. *Atlynyň dumly-duşdan ýygnanýan wagty, azançynyň ikindi azanyna gygyrýan wagty, Artygyň ýanyna Gandym hamsygyp geldi* (B. Kerbabaýew). **2**. Adata, dessura görä, çaga bolanda molla tarapyndan okalýan doga. *"Allahy ekber!" – diýip, azan aýdýan garrynyň nazymly sesi ýaňlanyberse we buşlukçylar dumly-duşa çapyberse, örüp, aýak üstüne galan oba şol öýe baka ýöriş eder* (A. Gowşudow). **3**. *ýerli g.* Gün dogmazynyň öňüsyrasy, ir ertir. **4**. Oglana dakylýan at.

◊ **Azan aýtmak** köplenç, metjitde ýörite doga okap, adamlary namaza çagyrmak.

**AZANÇY** [aza:nçy], *at.* Azan aýdýan adam.

**AZAP** [aza:p], *at.* **1**. Çekilýän ejir, görgi, jebir, jepa, horluk. *Kimse aglap gitdi, kimseler gülüp, Kimse çekip dürli azap, hoş imdi* (Seýdi). **2**. Zähmet, kynçylyk, alada. *Azabyndan gaçmasa, daýhany baýatjak ekiniň biri şalydyr* ("Nesil").

◊ **Azabyň garnyňa galmak** peýda görmezlik, azabyň köýmek, netijesiz, şowsuz bolmak. **Azabyň (goluňa) gowuşmak** çeken zähmetiňe görä rehnet tapmak.

**AZAPLY** [aza:ply], *syp.* Azaby köp bolan, jebirli, ejirli, güzaply; zähmeti köp bolan.

**AZAPLYRAK** [aza:plyra:k], *syp.* Azda-kände azaby bolan; zähmetliräk.

**AZAPSYZ** [aza:psyz], *syp.* Azaby bolmadyk, ejirsiz, jebirsiz, güzapsyz; zähmetsiz. *Azapsyz ýeriň ady ýok* (Nakyl.)

**AZAPSYZRAK** [aza:psyzyra:k], *syp.* Azaby azrak; zähmeti azrak.

**AZAR** [aza:r], *at.* **1**. Nähoşluk zerarly ýüze çykýan agyry, yza, çekilýän dert. *Aýrylmaz dişiň azary, Ýaz, tomus, güýz, gyşlar menden* (Mätäji). **2**. Ruhy taýdan başdan geçirilýän azap, ejir, horluk. *Menem ýetimligiň azaryny çekenleriň biri ahyry* (T. Gurbanow). **3**. Bir zadyň ugrunda edilýän ünji, alada, iňkis. *Çaşdy gyzykly bazarym, Artdy gün-günden azarym* (Magtymguly).

◊ **Azar ýamanyny bermek** görgi görkezmek, ejir baryny çekdirmek.

**AZAR-BIZAR** [aza:r-vi:za:r]**, azary-bizary ýok** hysyrdysy, zähmeti ýok; ýuwaş. *Ol caganyň azary-bizary ýok weli, garaz, adam biynjalyk bolýar-da.*

**AZARLABERMEK** [aza:rla:vermek], *işl.* Azarlap başlamak.

**AZARLAMA** [aza:rlama], *iş ady.* Azarlamak ýagdaýy.

**AZARLAMAK** [aza:rlamak], *işl.* **1**. Ýokanç, azarly keseller bilen kesellemek. **2**. Beýhuş ediji içgilere, neşelere endik edinen adam şol ýaramaz endikleri wagtynda ulanmaýanlygy, täsiriniň bedenden çykanlygy sebäpli melul bolmak; endam-jany syrkyramak, azar çekmek, neşe küýsemek. **3**. Ýaranyň azmagy netijesinde agyrysy güýjemek, yzasy artmak.

**AZARLAMAKLYK** [aza:rlamaklyk], *iş ady.* Azarlamak ýagdaýy.

**AZARLAMAZLYK** [aza:rlamazlyk], *iş ady.* Azarlamak ýagdaýyna sezewar bolmazlyk.

**AZARLAŞMAK** [aza:rlaşmak], *işl.* Köpçülikleýin azarlamak.

**AZARLATMAK** [aza:rlatmak], *işl.* Azarlamaga sezewar etmek.

**AZARLAÝYŞ** [aza:rlaýyş], *iş ady.* Azarlamak ýagdaýy.

**AZARLY** [aza:rly], *syp.* **1**. Agyryly, yzaly, seza bolup duran. *Iki elini diräp galmakçy bolanda, azarly elleri göwresini götermän, ýüzin ýykylypdy* (B. Kerbabaýew). **2**. Ýokanç wenerik kesel. **3**. *göç.m.* Aladaly, ünjüli, kynçylykly. *Gudratyndan düşdi pirler-işanlar, Çäresiz azarly galdy bu janlar* (Magtymguly).

**AZARSYZ** [aza:rsyz], *syp*. Azary bolmadyk, azary ýok.

**AZARSYZLYK** [aza:rsyzlyk], *at.* **1**. Azary ýokluk, agyrysyzlyk, yzasyzlyk. *Ýaranyň azarsyzlygy hem bir oňat zat*. **2**. *göç.m.* Gaýgy-ünjüsizlik, bigamlyk, aladasyzlyk.

**AZASYZ** [aza:syz], *syp.* Agyrysyz, agyrysy, yzasy ýok.

**AZASYZLYK** [aza:syzlyk], *at.* Agyrysy, yzasy ýokluk, agyrysyzlyk.

**AZAŞAŇKYRLAMAK** [a:zaşaňkyrlamak], *işl.* Azaşmak ýagdaýyna golaýlamak, azaşmaga golaý barmak.

**AZAŞDYRMAK** [a:zaşdyrmak], *işl.* **1**. Azaşmaga mejbur etmek, azaşar ýaly etmek. **2**. Birini ýoldaşlaryndan, garyndaşlaryndan aýra salmak, tersleşdirmek.

**AZAŞMA** [a:zaşma], *iş ady.* Azaşmak ýagdaýy.

**AZAŞMAK** [a:zaşmak], *işl.* **1**. Ýoldan, ugruňdan sowa düşmek, terse gitmek, ýoly ýalňyşmak, ugry ýitirmek. *Azaşsaň köp bilen azaş* (Nakyl). **2**. *göç.m.* Aýra düşmek, jyda düşmek, aýralyga sezewar bolmak. **3**. *göç.m.* Ters ýola düşmek, ilden çykmak, azmak.

**AZAŞMAKLYK** [a:zaşmaklyk], *iş ady.* Azaşmak ýagdaýy.

**AZAT** [aza:t], *syp.* **1**. Adam tarapyndan ezilmeýän, erkin, erkana, elgarama bolmadyk, özygtyýarly, garaşsyz. **2**. Adam ady. **3**. *Azat* sözüniň yzyndan *etmek, bolmak* kömekçi işligi gelip, täze manyly düzümli işlik ýasalýar: **Azat bolmak** erkinlige çykmak, boşamak, garaşsyz bolmak, azatlygyňy almak. **Azat etmek** erkinlige çykarmak, boşatmak, azatlyk bermek.

**AZATDA-MAZAT** [aza:tda-maza:t], *hal, gepl.d.* Sen-men ýok, duýdansyz, birdenkä. *Azatda-mazat, bu ýigidiň ezeneginden tutup alyp gidipdir* (A. Salyh).

**AZATLYK** [aza:tlyk], *at.* Garaşsyzlyk, özygtyýarlylyk, deň hak-hukuklylyk, erkanalyk, erkinlik.

**AZATMAHY** [aza:tma:hy], *at.* Eti gyzgylt we näzik, daş örtügi ownuk teňňeli owadan balyk. *Dolýar meniň torlaryma dürli balyklar. Azatmahy, bekre, takgaz, çapak balyklar* (G. Seýitliýew).

**AZ-AZ** [a:z-a:z], *syp.* Seýrek, selçeň, gyt; ýok diýen ýaly. *Onuň ýaly adam az-azdyr.*

**AZ-AZDAN** [a:z-a:zzan], *hal.* Kem-kemden, assa-ýuwaşdan, ýuwaş-ýuwaşdan; azajykdan. *Oglum, az-azdan iç* ("Görogly").

**AZAZYL** [aza:zyl], *at*. Ýamanlygyň nyşany bolan jyns, şeýtan.

**AZÇYLYK** [a:zçylyk], *at, ser.* **Azlyk**.

**AZDA-KEMDE** [a:zza-kemde], *hal, ser.* **Azda-kände**. *Maşyn sürmekden azda-kemde habary bolan ýoldaşym: – Saga bur! – diýip gygyrdy* (G. Gurbansähedow).

**AZDA-KÄNDE** [a:zza-kä:nne], *hal.* Az mukdarda, belli bir derejede, sähelçe, biraz, birneme, azda-köpde.

**AZDAN-KÄNDEN** [a:zzan-kä:nnen], *hal, ser.* Azda-kände.

**AZDA-KÖPDE** [a:zza-köpdö], *hal, ser.* **Azda-kände**. *Elbetde, bu ertekidir, ýöne azdan-känden çyn ýeri-de bolup biler* (N. Esenmyradow).

**AZDAN-KÖPDEN** [a:zzan-köpdön], *hal, ser.* **Azda-köpde**.

**AZDYRMAK** [a:zzyrmak], *işl.* **1**. Beterletmek, simletmek, öte geçirmek, ötüşdirmek. *Şemalladyp dişiňi azdyrypsyň*. **2**. *göç.m.* Biriniň başyny aýlap, ýoldan çykarmak, sandan çykarmak, ahlak taýdan bozmak. *Adam bardyr adamzady bozduran, Şeýtan bolup, dogry ýoldan azdyran* (Magtymguly).

**AZDYRMAZLYK** [a:zzyrmazlyk], *işl., göni hem göç.m.* Bir zadyň, biriniň azmagyna ýol bermezlik *Azdyrmasyn, azana duçar etmesin (*Atalar sözi*).*

**AZDYRYLMAK** [a:zzyrylmak], *işl.* **1**. Azmak derejesine ýetirilmek. *Ýara sowuk suw degrilip azdyrylypdyr.* **2**. Ýoldan çykarylmak. *Ol edenine däl diýilmän azdyrylypdyr.*

**AZERBAÝJAN** [a:zerbaýja:n], *at, ser.* **Azerbaýjanlylar**. *Azerbaýjan dili. Azerbaýjan halky.*

**AZERBAÝJANLYLAR** [a:zerbaýja:nlylar], *at.* Azerbaýjan Respublikasynyň esasy ilatyny düzýän halk.

**AZGYN** [a:zğyn], *syp.* **1**. Ýoldan çykan, ahlak taýdan bozulan, adamkärçiligini ýitiren. **2**. Sim alan, berçigip çişen, beterlän (ýara hakynda). *Azgyn ýara.* **3**. Asyl tohumyndan üýtgän, azan. *Azgyn gawun.*

**AZGYNÇYLYK** [a:zğynçylyk], *at, ser.* **Azgynlyk**.

**AZGYNLYK** [a:zğynlyk], *at.* Ýoldan-ilden çykanlyk, ahlak taýdan bozuklyk, azgynçylyk.

**AZGYRYLMA** [azğyrylma], *iş ady.* Azgyrylmak ýagdaýy.

**AZGYRYLMAK** [azğyrylmak], *işl.* Biriniň üstüne gygyrmak, gaharyň gelip jabjynmak, gaty ses bilen gaharlanmak, ýüzüni almak. *Meniň üstüme azgyrylyp durma!*

**AZGYRYLMAKLYK** [azğyrylmaklyk], *iş ady.* Azgyrylmak ýagdaýy.

**AZGYRYLMAZLYK** [azğyrylmazlyk], *iş ady.* Gaharyň gelip, biriniň üstüne gaty ses bilen gygyrmazlyk, sesiňi gataldyp, azgyrylyp durmazlyk.

**AZGYRYLYBERMEK** [azğyrlyvermek], *işl.* Azgyrylyp başlamak, azgyrylyp durmak. *Ýersiz ýere azgyrylybermezler*.

**AZGYRYLYŞ** [azğyrlyş], *iş ady.* Azgyrylmak ýagdaýy. *Onuň azgyrylyşyny halap duramok.*

**AZGYRYLYŞMAK** [azğyrlyşmak], *işl.* **1**. Biri-biriňe azgyrylmak. *Näme, beýle azgyrylyşyp otyrsyňyz!?* **2**. Birnäçe bolup azgyrylmak. *Näme, ony ýeke görüp, üstüne azgyrylyşyp durmalymy?*

**AZ-KEM** [a:z-kem], *syp.* **1**. Birneme, belli bir derejede, azajyk, sähelçe. *Biriniň ýüregine az-kem howsala düşen bolmaga çemeli* (A. Gowşudow). **2**. Az wagtlaýyn, sähel, biraz.

**AZ-KÜŞ** [a:z-küş], *syp.* Az-owlak, sähel.

**AZLYK** [a:zlyk], *at.* San taýdan ýeterlik dällik, mukdar-möçber taýdan kemlik, ýetmezlik, azçylyk.

**AZM** [azym], *at.* Haýbat, hemle.

◊ **Azm etmek** ýola düşmek, ugramak. *Mübärek bolsun seýliňiz, Azm edip siz ýola, kazym!* (Kemine). **Azm urmak** birine haýbat atmak, gazaplanmak, gaharlanmak. *Gijäniň ýarynda Ärhasanyň yzyndan ýetip azm urdy* ("Görogly").

**AZMA** [a:zma], *iş ady.* Azmak ýagdaýy.

**AZMAK** [a:zmak], *işl.* **1**. Beterlemek, simlemek, çişmek, ýaramazlaşmak (ýara hakynda). **2**. *göç.m.* Ýoldan çykmak, ahlak taýdan bozulmak, sandan çykmak, niýetiňi-päliňi ýamana dikmek. *Iki azan duş bolanda, Buz üstünde jeň getirer* (Mätäji).

**AZMAKLYK** [a:zmaklyk], *iş ady.* Azmak ýagdaýy.

**AZMAN**, *at.* Dört ýaşa ýeten teke.

**AZ-MAZ** [a:z-ma:z], *syp., ser*. **Az-kem**.

**AZMAZLYK** [a:zmazlyk], *iş ady.* Azmak derejesine ýetmezlik.

**AZMLY** [azymly], *syp.* Gaharly, haýbatly, hemleli. *Ol azmly gürledi.*

**AZNAWUR** [aznowur], *at.* Uly hem haýbatly jandar. *Gelnimiziň ýeňňesi, Aznawurmyş, ýar-ýar* (Toý aýdymy).

◊ **Aznawur ýaly** örän berdaşly, haýbatly, dogumly (adam hakynda). *Onuň aznawur ýaly ogullary bar.*

**AZOT** [azo:t], *at.* **1**. Reňksiz gaz, himiki element; howanyň düzüm bölegi (78, 09 %); janly öýjükleriň iň möhüm maddasy bolan beloklaryň we nuklein kislotalarynyň düzüm bölegi. **2**.*gepl.d*. Ekinlere dökülýän azotly dökün. *Azotly dökünler*.

**AZOTLY** [azo:tly], *syp.* Düzüminde azot bolan. *Azotly dökünler*.

**AZ-OWLAK** [a:z-owlok], *syp., ser.* **Az-kem**. *Seniň bilen az-owlak gürrüňim bar*.

**AZRAK** [a:zyra:k], *syp.* Sähelçe, birneme, köp bolmadyk.

**AZU-KÖP** [a:zu:-köp], *syp.* Azda-kände.

**AZY**, *at.* Alyn dişlerden aňyrda ýerleşýän, iýmit çeýneýän iri we ýasy dişler.

◊ **Azy ýarmak** şaty görüp bişişmek, dogumly bolup ýetişmek.

**AZYK** [a:zyk], *at.* Iýmek-içmek üçin zerur bolan önüm, iýmit. *Azyk bolçulygy bolsa ýurtda iň esasy zatdyr* ("Nesil").

**AZYKLYK** [a:zyklyk], *syp.* Azyk üçin gerekli, azyk üçin ýararly, iýmek-içmek üçin ýygnalan.

**AZYK-OWKAT** [a:zyğ-owka:t], *at.* Iýmek, içmek, umuman, ýaşaýyş, oňşuk üçin zerur önümler.

**AZYK-SUWLUK** [a:zyk-suwluk], *at.* Iýer-içer ýaly önümler, iýmitler. *Ýigitler azyk-suwluklaryny taýýarlamaga başladylar* ("Görogly").

**AZYM** [azy:m], *syp., k.d.* **1**. Uly, beýik, belent. *Ýedi azym şäher bolsa Çyn kibi* ("Saýatly – Hemra"). **2**. Oglana dakylýan at.

**AZYM-AZYM** [azy:m-azy:m], *syp.* Uly-uly, beýik-beýik, belent-belent. *Azym-azym şäherler, Ak otaglar galmazlar* (Magtymguly).

**AZYNDAN** [a:zynnan], *hal.* Iň bolmanda, pes hasap edeňde, iň bärkisi. *Ýaryşa azyndan iki ýüz talyp gatnaşypdyr.*

**AZYRGANMA** [a:zyrğanma], *iş ady.* Azyrganmak ýagdaýy.

**AZYRGANMAK** [a:zyrğanmak], *işl.* Az görmek, az hasaplamak. *Azyrganan aç galar* (Nakyl).

**AZYRGANMAKLYK** [a:zyrğanmaklyk], *iş ady.* Azyrganmak ýagdaýy.

**AZYRGANMAZLYK** [a:zyrğanmazlyk], *iş ady.* Az görmezlik.

**AZYRGANYŞ** [a:zyrğanyş], *iş ady.* Azyrganmak ýagdaýy.

**AZYŞ** [a:zyş], *iş ady.* Azmak ýagdaýy.

**AZYZ** [azy:z], *syp., k. d.* Gadyrly, mähirli, eziz, söýgüli. *Her zaman eýlerem nida, Azyz janym kylsam pida* (Andalyp). *Gara gözli, gaşy keman, Azyzym ýok arañyzda* (Balgyzyl).

**AZYZLAMAK** [azy:zlamak], *işl.* Eziz görmek, eý görmek.

**AZZA**, *at.* **1**.Eýwan, jaý basyrylanda pürsleriň üstünden keseligine goýulýan uzyn agaç. **2**. *deňizç.* Gäminiň göwresiniň berk bolmagyna ýardam edýän iki gorumyň arasynda keseligine kakylýan pürs. *Azzanyň üstüne gäminiň gapagy düşelýär.*

# B

**B**, Türkmen elipbiýiniň ikinji harpy.

**BA** [ba:] **I**, Nusgawy edebiýatyň dilinde *-ly, -li* goşulmasynyň manysyny aňladyp, sözüň öňünden goşulýan goşulma (*bahabar – habarly*). *Tany dosty-duşmanyň, öýüňe bahabar gezgin* (Mollanepes).

**BA** [ba:] **II**, Haýran galmagy, begenji aňladýan ümlük. *– Ba, siziň kölegede oturyp, agtaryp oturan palyňyzy – diýip, ol oturanlaryň ýüzüne şatlykly bir zat aýtjak bolýan ýaly ýyljyraklap seredip çykdy* (N. Saryhanow).

**BABA** [ba:va] *at.* **1**. Ejeň kakasyna bolan garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz, ejeň kakasy. *Myradyň babasynyň babasy Myrat ýalyka-da, şu gala köne eken* (N. Esenmyradow). **2**. ″Ýaşuly, ata″ manysynda ýaşululara ýüzlenilip aýdylýan söz. **3**. Şol bir nesil boýunça öňki ýaşap geçen adamlar, ata-babalar. **4**. Ýaşuly adam, aksakgal adam. *Bir sandyk geldi derýadan, Bagyş eýlesin babam maňa* (Mollanepes). *Gezýärkäm, sataşdym aksakgal baba, Gamlanma baba, sen gamlanma, baba!* (N. Pomma). **5**. *gepl.d.* Ata. **6**. Mukaddes ýerleriň, öwlüýäleriň, keramatly adamlaryň atlarynyň yzyna ýa-da öňüne goşulýan söz. *Nalaçbaba, Bilalbaba, Astanababa, Hojadikgibaba, Babagammar, düýäniň piri – Weýisbaba, sygryň piri – Zeňňibaba*. 7. Oglana dakylýan at.

◊ **Babam (atam) döwri** gadym eýýam, uzak geçmiş.

**BABADAŞ** [ba:vadaş], *at.* Asly, ata-babalary bir bolan adamlar, daşgynrak garyndaşlar; ilen-çalan. *Özge ýagyň bolmasa, babadaşyň ýokmudy* (Nakyl). *Amanly onuň bilen babadaşmyşyn* (N. Pomma).

**BABADAÝHAN** [ba:vadaýha:n], *at.***1**. Daýhançylyk kärine ökde, daýhançylyk tejribesi baý adam. *″Biriň müň bolsun″ diýip zähmetsöýer babadaýhanlarymyzyň mes toprakly ekin meýdanlaryna çykjak döwri, aýratyn hyruç bilen ekleýji ene topraga tohum taşlamak döwri hem indi uzakda däl* (″Türkmenistan″). **2**. Ekerançylygyň, daýhançylygyň piri. *Biziň elimiz däl, babadaýhanyň eli* (Yrym). **3**. Ahal welaýatynda bir etrap.

**BABAKELAN** [ba:vakela:n], *at.* Ötüp geçen ata-babalarymyz, eždatlarymyz. *Babakelan aňrymyzy gören sen* (Ý. Pirgulyýew).

**BABALY** [ba:va:ly], *at.* Öli ýuwýan adam. *Aldap aldym gyzyňy, Babaly görsün ýüzüňi* (Atalar sözi).

**BABASYL** [ba:vasy:l], *at, lukmanç.* Ýogyn içegäniň aşak başynda (artbujakda), köplenç, ganjaryp duran düwünleriň emele gelmegi bilen döreýän kesel. *Türkmenler ir wagtlarda gawuny iç ýumşadyjy serişde hökmünde babasyl keselini bejermekde hem ulanypdyrlar* (″Türkmenistan″).

**BABASYLLY** [ba:vasy:lly], *syp*. Babasyly bar bolan.

**BABATDA** [ba:vatda], **1**. ″Barada, hakynda, dogrusynda″ ýaly many aňladýan kömekçi söz. *Bu babatda oňa telim gezek aýdypdyrlar.* **2**. Taýdan, tarapdan, jähetden ýaly nukdaýnazar aňladýan söz. *Galladan we gowaçadan bol hasyl alýan kärendeçiler şu babatda berýän goldawy üçin himiýa kärhanasynyň işgärlerine minnetdarlyk bildirýärler* (″Türkmenistan″). **3**. *göç.m.* ″Her, her bir″ diýen sözler bilen gelip, ″her niçik bolsa-da″, ″nähili bolsa-da″ diýen manyny aňladýan kömekçi söz. *Her babatda şundan gowusy ýok.*

**BABATYNDA** [ba:vatynna], ″Barasynda, hakynda, dogrusynda″ ýaly manyly kömekçi söz. *Ykdysadyýet babatynda düýpli öňe gidişlikler gazanylýar.*

**BABYR** [bavyr], *at, kön.s.***1**. Geçigaplaň. *Daglaryň arslany, babyr-peleňi, Ahyry deň bolar pil, peşe jeňi* (Magtymguly). **2**. Oglana dakylýan at.

◊ **Babyr bilek** ýogyndan güýçli bilek. *Jemal orta boýly, etli-ganly, babyr bilek bir gelindi* (A. Durdyýew).

**BADA** [ba:da] **I**, *hal, ser.* **Bada-bat**.

**BADA** [ba:da] **II**, *at, şahyr.* **1**. Çakyr guýlup içilýän bulgur. **2**. Çakyr, şerap. *Gel, bada içeli, serhoş bolaly!* (Andalyp). *Iki dogan dag gerşinde, çakyşdyryp içdik bada* (M. Seýidow).

**BADA-BAT** [ba:da-va:t], *hal.* Şolbada, ýüzüniň ugruna, ilkibada, birden, derrew, dessine. *Men bada-bat işe girişdim.*

**BADAG** [ba:dağ], *at.* Düýäniň aýagy dyzarlanýan, badalýan ýüp; duşak.

**BADAGAÇ** [ba:dağaç], *at, gepl.d.* Hiňňildik üçin ýörite dikilýän agaç.

**BADAGLAMAK** [ba:dağlamak], *işl., ýerli g., ser*. **1**. **Badamak**. **2**. *göç.m.* Ruhy, duýgy, ykbal taýdan birikdirmek, öýermek, biri-birine baglamak.

**BADAGLY** [ba:dağly], *syp.* **1**. Badag ýüpi bilen daňlan, badaglanan, dyzarlanan. **2**. *göç.m.* Ruhy, duýgy, ykbal taýdan biri bilen birigen, biri-birine bagly bolan. *Iki ýigit, iki dagyň parasy, Doganynda badaglymyş arasy* (M. Seýidow).

**BADAK**, *at.***1**. Türkmen milli göreşinde garşydaşyň aýagynyň daşyndan aýagyňy aýlap salynýan emel. *Kyýas hetdenaşa güýç sarp edip, badak salnan aýagyny sypdyryp bildi* (N. Jumaýew). **2**. *göç.m.* Görkezilýän garşylyk, päsgelçilik. **3**. Jykyryň kärizini suwlulandyrýan ýapjagaz.

◊ **Badak atmak 1)** aýagyňy garşydaşyň aýagynyň daşyndan aýlap salmak emelini etmek. **2)** *göç.m.* kimdir biri üstünlik gazanaýmasyn diýip, garaşylmadyk ýagdaýda oňa garşy ýaramaz hereket etmek. **Badak salmak** *ser*. **Badaklamak**.

**BADAKLAMAK**, *işl.* Aýagyňy garşydaşyň aýagynyň daşyndan aýlap ýykmak emelini etmek.

**BADALMAK** [ba:dalmak], *işl., gepl.d.* Çöküp oturan düýe tarsa ýerinden galmaz ýaly, boýnunyň üstünden ýüp aýlanyp, iki dyzy daňylmak, dyzarlanmak.

**BADALGA** [ba:dalğa], *at.* **1**. Çalt, çalasyn hereket etmek (ylgamak, ýüzmek we ş.m. ) üçin bat alynýan başlangyç, daýanç nokady. **2**.*göç.m.* Uly işe başlanyňda işiň ilerlemegi üçin itergi beriji zat, ýagdaý we ş.m.

**BADAM** [ba:dam] **I**, *at.* **1**. Beýik boýly, owadan gülli, miwe getirýän agaç. **2**. Badam agajynyň süýnmek maňyzly miwesi. *Baga bardym, badam gördüm, Badam ýygýan adam gördüm* (Halk döredijiliginden). **3**. Adam ady.

◊ **Badam gabak** pökgüje owadan gabak. *Badam gabak, alma ýaňak, Bir zyba senem islärin* (Magtymguly). *Badam gabagyndan, maral gözünden, Sözle, gurban olam şirin tillere* (Şabende).

**BADAM** [ba:dam] **II**, *at, gepl.d.* Badamjan.

**BADAMAK** [ba:damak], *işl., gepl.d.* Çöküp oturan düýe tarsa ýerinden turmaz ýaly boýnunyň üstünden ýüp aýlap, iki dyzyny daňmak, dyzarlamak.

**BADAMJAN** [ba:damja:n], *at.***1**. Gowaça boýly dik ösýän bakja ekini. **2**. Badamjanyň hasyly. *Bir bedre badamjan ýygdyk.*

**BADAMLYK** [ba:damlyk], *at.* Badam agajynyň köp gögerip oturan ýeri.

**BADAŞDYRMAK** [ba:daşdyrmak], *işl., gepl.d.* Badag ýüpi bilen ýeke-ýekeden dyzarlap çykmak. *Düýeleri badaşdyrmak.*

**BADAŞMAK** [ba:daşmak], *göç.m.* Bagrymyz badaşdy. *işl., gepl.d.* Dyzarlamaga kömekleşmek (düýe hakynda). *Düýeleri badaşmak.*

**BADAT** [bada:t], *at, ösüml.d.* **1**. Çyrmaşyklar maşgalasyna girýän we hasyly iýilýän kösükli ekin. *Ak jöwen, badat ýaly azaby az, hasyly kän ekinler ekilerdi* (O. Annamyradow). **2**. Şol ekiniň süýjümtik tagamly süýrümtik kösügi. *Gazanda gaýnap duran badat derrew bişdi.*

**BADY-BARAN** [ba:dy-va:ra:n], *at.* Ýagyş garyşykly ýel, güýçli ýelli ýagyş. *Gije-gündiz seni diýip gözümden, Akar ýaşym bady-baran, Seýidi* (Zelili).

**BADY-HAZAN** [ba:dy-hazan], *at, kön.s.* Gyş şemaly, hazan ýeli. *Ösdi ol bady-hazan, soldurdy gunça gülleriň* (Şabende). *Gaýyby, hakdan dilegim, ýetmesin bady-hazan* (Gaýyby).

**BADY-HOWA** [ba:dy-howa:], *syp., hal., gepl.d.* Ulumsy, gopbamsy, haýbatly, hörpi ýokary. *Bady-howa adam.*

**BADY-HOWALY** [ba:dy-howa:ly], *syp.* Daş sypaty ulumsy, gopbamsy, haýbatly.

**BADY-HOWALYK** [ba:dy-howa:lyk], *at.* Ulumsylyk, gopbamsylyk, haýbatlylyk. *Abdylmejit han bady-howalyk bilen jogap berdi* (G. Kulyýew).

**BADY-HOWALYLYK** [ba:dy-howa:lylyk], *at, ser.* **Bady-howalyk**.

**BADYKMAK** [ba:dykmak], *işl., gepl.d.* Bat almak, batlanmak, has güýjemek. *Ýokary ýüzden öwsüp başlan, dura-bara güýjän ýel soňabaka badykdy.*

**BADYNA** [ba:dyna], *hal.* **1**. Özünde bar bolan hereket ediş güýji bilen. *Depilen top badyna derwezä girdi.* **2**. ″ Dessine, derrew, yzysüre″ diýen ýaly many aňladýan kömekçi söz. *Ýagyş goýan badyna, biz otluk meýdana gezmäge gitdik.*

**BADY-SABA** [ba:dy-sava:], *at, k.d.* Ertir bilen ösýän mylaýym şemal, säher şemaly. *Bady-saba, salamymny, Hüýrlukga jana ýetir* (″Hüýrlukga – Hemra″).

**BADYÝAN** [ba:dyýa:n], *at, ösüml.d.* Ysly, köpýyllyk ot.

**BAG** [ba:ğ] **I**, *at.* **1**. Dürli agaçlar, ösümlikler ekilen ýer. *Men häzir bagy aýlanyp göreýin* (B. Pürliýew). **2.** Miweli ýa-da miwesiz, uzyn boýly, şahalary ýaýraň, ýaprakly agaç, daragt. *Bag ekmek.* **3**. Dynç almak, gezelenç, seýil etmek üçin ýörite agaç ekilip, enjamlaşdyrylan meýdan. *Bagyň içine girdim ýördüm, Gyrmyzy gülünden tirdim* (″ Şasenem – Garyp″).

◊ **Bag gaýçy** her hili miweli agaçlaryň, üzümiň çybyklaryny kesmek, çyrpmak üçin ýörite ýasalan gaýçy. **Bag orak** *ser*. **Bag gaýçy**.

**BAG** [ba:ğ] **II**, *at.* **1**. Ýüňden, çöpürden, ýüplükden, kendirden we ş.m. dürli süýümlerden işilip ýa-da örülip, bir zady baglamak, daňmak üçin ulanylýan ýüp, daňy. *Eýeriň gaşyna ildirilen irişme bagy alyp, külterini çözlemäge durdy* (H. Derýaýew). **2**. Bagjyk. *Köwşüň bagyny daňmak.*

◊ **Baga bakmak** maly semretmek üçin ýatakda elden naharlap idetmek, baka goýmak. *Bu adam bulary baga bakyp, semredip ýören eken* (″Türkmen halk ertekileri″). *On bäş-ýigrimi gara maly baga bakmak eýle-beýle adama başartmaz* (″ Türkmenistan″). **Aýak bagy** *ser*. **Aýak.** *Sen oňa aýak bagy bolma.*

**BAGANA** [bağana], *at.* Täze bolan guzynyň soýlup alnan buýraly derisi we onuň eýlenen görnüşi. *Garaköli bagana. Bagana tabşyrmaklyk artygy bilen ýerine ýetirildi* (″ Türkmenistan″).

◊ **Bagana içmek** baganadan tikilen içmek. **Bagana telpek** guzy derisinden tikilen telpek. *Bagana telpekli oglan.* **Bagana ýaka** gyş geýimleriniň ýakasyna baganadan bejerilip tutulýan ýaka.

**BAG-BAKJA** [ba:ğ-vakja], *at.* Miweli-miwesiz agaçlar, dürli bossan ekinler, bag-bossan.

**BAG-BAKJAÇYLYK** [ba:ğ-vakjaçylyk], *at.* **1**. Oba hojalygynyň bag-bakja, bag-bossan ösdürip ýetişdirýän pudagy. **2**. *ser*. **Bag-bakjalyk**.

**BAG-BAKJALY** [ba:ğ-vakjaly], *syp*. Bag-bakja ekilen, bag-bakja ösümlikli (ýer). *Bag-bakjaly oba*.

**BAG-BAKJALYK** [ba:ğ-vakjalyk], *at*. Bag-bakjaly, bag-bakja ekilen meýdan, bag hem bossan ekinli ýer.

**BAGBAN** [ba:ğva:n], *at*. **1**. Bag ösdürip ýetişdirýän adam, hünärmen, ony goraýan adam. *Bagbanymyz Bagban atly, narly, şetdalysy datly* ("Şasenem – Garyp"). **2**. *göç.m.* Eýe, hojaýyn. *Sensiň meniň bagbanym, Men seniň öz nahalyň. Goýnuň içre biten bossan, Goç ýigitler bagban bu gün* (Magtymguly). **3**. Oglana dakylýan at.

**BAGBANÇYLYK** [ba:ğva:nçylyk], *at.* **1**. *ser.* **Bagbanlyk**. *Galla ýetişdirmelem bolsa, guýy gazmalam bolsa, bagbançylyk hem bolsa, tüweleme, onuň başy çykmaýan zady ýok* ("Türkmenistan"). **2**. Oba hojalygynyň pudagy hökmünde miweli agaçlary ösdürip ýetişdirmek hünäri bilen meşgul bolmaklyk. *Maňa bagbançylyk hakda gaty gyzykly gürrüň edip berdi* (N. Pomma).

**BAGBANLYK** [ba:ğva:nlyk], *at.* Bagbanyň käri, ýagdaýy.

**BAG-BOSSAN** [ba:ğ-vossa:n], *at, ser.* **Bag-bakja**. *Biz ýurdumyzy bag-bossana öwürýäris.*

**BAG-BOSSANÇYLYK** [ba:ğ-vossa:nçylyk], *at, ser.* **Bag-bakjaçylyk**. *Onuň bag-bossançylygy nähili gowy görýändigini bir bilsediňiz!*

**BAG-BOSSANLY** [ba:ğ-vossa:nly], *syp., ser.* **Bag-bakjaly**.

**BAG-BOSSANLYK** [ba:ğ-vossa:nlyk], *at, ser.* **Bag-bakjalyk**.

**BAGÇEBIŞ** [ba:ğçeviş], *at.* Semretmek üçin baka goýlan çebiş, baga bakylan çebiş maly.

◊ **Bagçebşiň gözi ýaly** gözleri peträp duran.

**BAGÇY** [ba:ğçy], *at.* Bagban.

**BAGÇYLYK** [ba:ğçylyk], *at.***1**. Oba hojalygynyň bag ösdürip ýetişdirmek bilen meşgullanýan pudagy. **2**. *ser.* **Baglyk**. *Tamyň arkasy kiçijik bagçylykdy* (G. Kulyýew).

**BAGGOÝUN** [ba:ğğoýun], *at.* Semretmek üçin baga bakylýan goýun, baka goýlan goýun, huruşlyk üçin elde bakylýan goýun. *Baggoýunlar gapylarda daňylgylygyna galdy* (B. Kerbabaýew).

**BAGJYK** [ba:ğjyk], *at.* Çäkýaka ýa-da aýal köýnekleriniň, don, çäkmen ýaly daşky eşikleriň ýakasyny baglamak üçin inçeräk işilip, örülip ýaka berkidilýän bag, sapak.

◊ **Bagjyk çatdyrmak** öýlenen ýigidiň deň-duşlary tarapyndan bagjygyny ýolup, synamak üçin gelnine ýaňadandan bagjyk tikdirmek däbi. **Bagjyk çatmak** üme ýerine gelen ýigidiň geýimine bagjyk çatdyrmak däbi. *Ýüplük-bagjyk çatylan ýigit gyzlara süýji, kişmiş ýaly zatlary getirip berýär.*

**BAGJYKLY** [ba:ğjykly], *syp.***1**. Bagjyk tikilen, bagjyk berkidilen. *Bagjykly köýnek.* **2**. Bag, bagjyk ötürilip geýilýän aýakgap.

**BAGJYKLYK** [ba:ğjyklyk], *at.* **1**. Geýimiň bagjyk çatylýan ýeri. **2**. Bagjyk üçin niýetlenen bag. **3**. *zergärç.* Çabydyň, donuň iki ýan ýakasyna dakylýan halka, gulp, gaňyrçak arkaly biri-birine ildirilýän pişme şekilli kümüşden bezeg şaýy.

**BAGLAMAK** [ba:ğlamak], *işl.* **1**. Daňyp goýmak, daňyp berkitmek, daňmak. *Ol atynyň uýanyny gazyga baglady*. **2**. Daňmak, oramak, guşamak. *Biliňe guşak baglamak.* **3**. Ýapmak; beklemek. *Dükany baglamak. Atyza akyp ýatan suwy baglamak.* **4**. Desseläp bogmak, desseläp daňmak. *Çemen baglamak.* **5**. *göç.m.* Bent etmek. *Ýüregime baglanym sen, Damarymda al ganym sen* (A. Agabaýew). **6**. Gowy hilli harydy köp çykaryp, bazary eýelemek.

◊ **Bil baglamak** *ser*. **Bil**.

**BAGLANGY** [ba:ğlanğy], *syp*. Bagly, baglanan ýagdaýda bolan. *Baglangy gapy.*

**BAGLANGYLYK** [ba:ğlanğylyk], *at*. Baglangy ýagdaýda bolmaklyk.

**BAGLANMA** [ba:ğlanma], **1**. *iş ady.* Baglanmak ýagdaýy. **2**. *lukmanç.* Jyns gatnaşygy boýunça erkek ýa-da aýal adamyň gatnaşyk edip bilmek ukybynyň belli bir sebäbe görä bolmazlygy.

**BAGLANMAK** [ba:ğlanmak], *işl.* **1**. Daňylmak, daňlyp goýulmak, daňlyp berkidilmek. **2**. Daňynmak, oranmak, guşanmak. *Biline kemer baglanyp, aýagyna çepek geýip, daşaryk çykdy* (B. Kerbabaýew). **3**. Ýapylmak, beklenmek. *Dükan baglandy.* **4**. Desselenip bogulmak, desselenip daňylmak. *Bedeler baglanyp goýuldy.* **5**. *göç.m.* Bent bolmak, bendiwan bolmak. *Baglanardyň jemalynyň örküne* (K.Gurbannepesow).

**BAGLANYŞDYRMAK** [ba:glanyşdyrmak], *işl.* Bir zady ikinji bir zada baglanyşykly etmek.

**BAGLANYŞDYRYJY** [ba:glanyşdyryjy], *syp*. Baglanyşykly ediji.

**BAGLANYŞMAK** [ba:glanyşmak], *işl.* **1**. Bir-birine bagly bolmak. **2**. Many we dil taýdan yzygiderli manyly bolmak. *Ylýas Töre bolsa biri beýlekisi bilen baglanyşmaýan jümlelerini birnäçe gezek gaýtalady* (A. Gowşudow).

**BAGLANYŞYK** [ba:glanşyk], *at.* **1**. Aragatnaşyk, özara ýakynlyk, bir-birine bolan gatnaşyk. **2**. Many we dil taýdan yzygiderlilik, many taýdan birlik, yzygiderlilik. *Öňe sürülýän pikirleriň özara baglanyşygy*.

**BAGLANYŞYKLY** [ba:glanşykly], *syp.* **1**. Baglanyşygy bolan, aragatnaşyk saklaýan, bagly. **2**. Bagly bolan, dahylly bolan. *Ilaty suw bilen üpjün etmek bilen baglanyşykly meseleler üstünlikli çözülýär* (”Türkmenistan”). *Nowruz baýramçylygynyň döreýşi bilen baglanyşykly ençeme maglumatlar, rowaýatlar bar* (”Türkmenistan”).

**BAGLANYŞYKLYLYK** [ba:ğlanşyklylyk], *at.* **1**. Baglanyşygy barlyk, baglanyşykly bolmaklyk, baglanyşyksyz dällik. **2**. Bir-birine baglylyk, baglanyşygy barlyk, bir-birine garaşlylyk. **3**. Many we dil taýdan yzygiderlilik, manylylyk.

**BAGLANYŞYKSYZ** [ba:ğlanşyksyz], *syp.* **1**. Baglanyşygy bolmadyk, baglanyşykly däl. **2**. Baglanyşygy ýok bolan; garaşly bolmadyk.

**BAGLANYŞYKSYZLYK** [ba:ğlanşyksyzlyk], *at.* **1**. Baglanyşygy ýokluk, gatnaşyk saklamazlyk. **2**. Bagly dällik, garaşly dällik.

**BAGLAŞDYRMAK** [ba:ğlaşdyrmak], *işl.* Bir ýanyndan hemmesini baglap çykmak. *Ol ammaryň gapylaryny baglaşdyryp, öýüne gaýtdy.*

**BAGLAŞMAK** [ba:ğlaşmak], *işl.* **1**. Baglamaga kömek etmek; bilelikde baglamak. *Suwuň öňüni baglaşmak. Men oňa çemen baglaşdym.* **2**. Iki tarapyň razy bolmagynda gol çekmek, kabul etmek. *Şertnama baglaşmak.*

**BAGLATDYRMAK** [ba:ğlatdyrmak], *işl., ser.* **Baglatmak**.

**BAGLATMAK** [ba:ğlatmak], *işl.* **1**. Baglamak işini başga birine etdirmek; baglamaga mejbur etmek; baglamaga mümkinçilik bermek. *Ol biline guşak baglatdy. Dükany baglatmak.* **2**. Desseledip bogdurmak, desseledip daňdyrmak. *Çemen baglatmak.*

**BAGLAÝJYLAR** [ba:ğlaýjylar], *at, dil b.* Düzmeli baglanyşygy ýüze çykarýan kömekçi sözler.

**BAGLY** [ba:ğly], *syp.* **1**. Daňlan, daňlyp goýlan, daňlyp berkidilen, daňylgy. *Gazykda bagly gara göle gözüni mölerdip seredýärdi* (A. Gowşudow). **2**. Ýapyk, bekli, baglanan. *Emma ol tarapa gidýän ýol onuň üçin baglydy* (B. Seýtäkow). **3**. Birine ýa-da bir zada garaşly bolan. **4**. Baglanyşykly. **5.** Degişli, dahylly. **6**. *sagl.g.* Ruhy taýdan ýeten sarsgyn sebäpli, jyns gatnaşygyny etmäge ukypsyz. *Bagly bolmak.*

**BAGLYK** [ba:ğlyk] **I**, *at.* Miweli ýa-da miwesiz agaçlaryň köp ýeri, gür agaçlyk. *Oba gür baglyga bürenip otyr* ("Edebiýat we sungat").

**BAGLYK** [ba:ğlyk] **II**, *syp.* Bag (*ser*. **Bag II**) eder ýaly, bag etmäge niýetlenen. *Baglyk ýüp.*

**BAGLYLYK** [ba:ğlylyk], *at.* **1**. Birine, bir ýagdaýa, hadysa, sebäbe bagly bolmaklyk, garaşlylyk. **2**. Baglanyşyklylyk, bir-biri bilen gatnaşykda bolmaklyk. *Dünýäniň hemme zatlary, hadysalary özara baglylykda bolýarlar.*

**BAGRÖÝKEN** [bağröýkön], *at.***1**. Adamyň we haýwanyň öýkendir bagrynyň ş.m. umumy ady. **2**. Soýlan malyň öýkendir ýüregi we bagry.

◊ **Bagröýkeni agzyndan çykyp barmak (gelmek)** daljykmak, gury ögemek, gaty üsgürmek. **Bagröýkeni görünmek** gaty horlanyp, çöpe dönmek.

**BAGŞEŞ** [bağşeş], *at, k. d.* Sahylyk, jomartlyk; berim. *Bagşeşiň bent eder biler, bilmezi* (Magtymguly).

**BAGŞY** [bağşy], *at.* **1**. Türkmen milli aýdymlaryny aýdýan aýdymçy. *Ýurda döwlet geler bolsa, Bagşy bilen ozan geler* (Nakyl). **2**. *taryh.* Geňeşdar, maslahatçy. **3**. Oglana dakylýan at.

**BAGŞYÇYLYK** [bağşyçylyk], *at.* Bagşynyň käri, bagşynyň hünäri.

◊ **Bagşyçylyk ýollary** aýdym aýtmak, saz çalmak sungatynda halypanyň ýöredýän ýoluny şägirdiň dowam etdirmegi. *Bagşyçylyk ýollary damana ýoly, ahal-teke ýoly, salyr-saryk ýoly, ýomut-gökleň ýoly, çowdur ýoly ýaly ugurlara bölünýär.*

**BAGŞYÝOWŞAN** [bağşyýowşon], *at, ösüml.d.* Boýy 15-30 *sm-e* ýetýän köp ýyllyk otjumak ýabany derman ösümligi; topbak gögerýän ýumşak baldakly ýowşanyň bir görnüşi.

**BAGT** [bağyt], *at.* Doly suratda we ýokary derejede kanagatlanma duýgusy hem-de kanagatlanarlykly ýagdaý (durmuşyňdan, ýaşaýşyňdan razylyk, hoşallyk; şatlyk ýagdaýy we ş.m.).

◊ **Bagta töwekgellik etmek** bagty synap görmek, töwekgellik bilen bir iş etmäge synanyşmak. *Näme-de bolsa, bagta töwekgellik edip, haty eltip bermeli* ("Görogly"). **Bagt guşuň uçmak** işiň şowly bolup başlamak, işiň şowuna düşüp ugramak. **Bagt guşy gonmak** işi rowaçlanmak, edeni ugruna bolmak, ugur almak. **Bagt tapmak** işde, durmuşda üstünlik gazanmak, eşrete ýetmek. **Bagtygara** eden işi şowuna düşmeýän, gara bagt. **Bagtyňa boragan (boran) ýagmak** şowsuzlyga sezewar bolmak, işiň şowsuz bolmak, işiň gaýtmak. **Bagtyň açyk (ak) bolsun!** Işiň şowly, durmuşyň eşretli bolsun! **Bagtyň açylmak 1)** eşretli durmuşa ýetmek, işiň ugruna bolmak, işiň rowaçlanmak. **2)** durmuşa çykmak, durmuş gurmak, öýlenmek. **Bagtyňa gara çekilmek** başyňa iş düşmek, betbagtlyga uçramak. **Bagtyň baglanmak** eşretli durmuşdan mahrum bolmak, işiň ugur almazlyk, işiň gaýtmak. **Bagtyň çökmek** *ser.* **Bagtyň ýatmak**. *Eý, dostlar, çöken bagtym, Gije-gündizi oýanmaz* (Magtymguly). **Bagtyň çüwmek** *ser.* **Bagtyň daş ýarmak**. *Bagtyň çüwdümi? Hezil edin-de, maşgalaň bilen äbe-de-jüýje bolup ýaşa-da ýör-dä* (A. Gurbanow). **Bagtyňdan çykmak** duçar gelmek,

sezewar bolmak, paýyňa düşmek. **Bagtyňdan görmek** näme bolsa öz ykbalyňdan, durmuşyňdan görmek. **Bagtyň daş ýarmak** bagtyň getirmek, örän bagtly bolmak, edeniň şowuna düşmek.**Bagtyň garalmak** işiň şowsuz bolmak, betbagtlyga uçramak, işiň gaýtmak. **Bagtyň gelmek (getirmek)** eden işiň ugur almak, işiň rowaç bolmak. *Bagty gelen türkmeniň bu ajap eýýamyny görmäge göz gerek* ("Türkmenistan"). **Bagtyň işlemek (ýöremek)** işiň ugruna bolmak, işiň rowaçlanmak, şowuna düşmek. **Bagtyň oýanmak** işiň ugruna bolup başlamak, işiň rowaçlanmak. **Bagtyňy synamak** bagta töwekgellik etmek, synanyşyp görmek. **Bagtyň ýatmak** çykgynsyz ýagdaýa düşmek, betbagtlyga uçramak, işiň gaýtmak. *Indem ýagdaý şeýle, kömek etmeseň, Bagtym ýatdy, sen dadyma ýetmeseň* (B. Japarow).

**BAGTLY** [bağytly], *syp.* Ajaýyp durmuşly, bagta eýe bolan, bagtyýar; işi rowaç alýan, işi şowuna düşýän, üstünlik gazanýan, maňlaýly. *Bagtly sähet gözlemez* (Nakyl). *Türkmenistanyň her bir raýatynyň erkin, azat, bagtly ýaşamagyny üpjün etmek üçin bizde ähli mümkinçilikler bar* ("Türkmenistan"). *Olar indi bagtly durmuşa, eşretli geljege gol bulaýan şaýola gadam basdy* ("Watan").

**BAGTLYLYK** [bağytlylyk], *at.* Bagtly bolmaklyk, bagty barlyk. *Şunuň ýaly ýerde Ajap bilen bolsak, nähili bagtlylyk bolardy* (A. Durdyýew).

**BAGTOKLY** [ba:ğtokly], *at.* Semretmek üçin baka goýlan tokly.

**BAGTSYZ** [bağyssyz], *syp.* Bagty bolmadyk, bagtly däl, betbagt; işi rowaç almaýan, işi şowuna düşmeýän.

**BAGTSYZLYK** [bağyssyzlyk], *at.* Bagty ýokluk, bagtly dällik.

**BAGTYGARALYK** [bağtyğaralyk], *at.* Eden işi şowuna düşmezlik, gara bagtlyk.

**BAGTYÝAR** [bağtyýa:r], **1**. *syp., ser.* **Bagtly**. *Aşygyň arzuwy — bolmak bagtyýar* (A. Kekilow). **2**. Oglana dakylýan at.

**BAGTYÝARLYK** [bağtyýa:rlyk], *at, ser.* **Bagtlylyk**. *Asyrboýy özbaşdak döwlet küýsän türkmen ulusynyň zer kimin şugla saçýan, güneş kysmy aýdyň hem röwşen şaýoly, bagtyýarlyga baky ýarag boljak özbaşdaklyk sene ýazgysy hut şol onýyllykdan gözbaş alyp gaýdýar* ("Türkmenistan").

**BAGY-BOSSAN** [ba:ğy-vossa:n], *at, ser.* **Bag-bakja**.

**BAGY-BOSSANLYK** [ba:ğy-vossanlyk], *at, ser.* **Bag-bakjalyk**. *...şäherleri we obalary bagy-bossanlyga öwürmek barada uly işler alnyp barylýar* ("Türkmenistan").

**BAGY-EREM** [ba:ğy-erem], *at, şahyr.* Rowaýata görä behişt bagy, owadan bag. *Bagy-Erem gülşeni, Pany-jahana düşmez* (Magtymguly). *Eý, bilbili bagy-Erem, Eý mähriban zyba senem* (Mollanepes).

**BAGYR** [bağyr], *at.***1**. Adamlarda, haýwanlarda sag gapyrganyň aşagynda ýerleşýän içki beden agzasy, jiger. **2**. *göç.m.* Döş, gursak. *Bagry bilen süýşüp ugrady.*

◊ **Bagra hanjar urlana dönmek** agyr täsir etmek, gaty gynanmak, ynjalykdan aýrylmak. *Uzak gije meniň gözüme çöp germelene, bagryma hanjar urlana döndi* (B. Kerbabaýew). **Bagry başly** hasratly, dertli, ýaraly, ýangynly. *Şol aždarhaň derdinden Bagrymyz başly boldy* (M. Seýidow). **Bagry dagly** hasrat çeken, aýralyk, ölüm awusyny gören. **Bagry daşly** *ser.* **Bagry başly**. **Bagry gan** jebir çeken, zulum gören. **Bagry girýan bolmak** bagryň ýanmak, bagryň köýmek, bagryň daglanmak. **Bagryny dilmek** gynandyrmak, ýiti täsir etmek. **Bagryny eretmek** mähri bolmak, rehimi gelmek. *Anna Sona seretse, Sonaň bagryn eredýär* (A. Alamyşow). **Bagryny ýakmak** örän gaty gynandyrmak, janyny ýakmak. **Bagryňa basmak** mähirli gujaklamak, döşüňe basmak, gujagyňa gysmak. *Gutlaýaryn, gyzym! — diýip, meni bagryna basdy* (B. Pürliýew). **Bagryňa gan öýmek** sütem, horluk, ezýet çekmek, zulum görmek, jebir çekmek. **Bagryň badaşmak** bir-birine örän ysnyşykly bolmak, bagly bolmak, bile biten ýaly bolmak. *Seniň bilen edil bagry badaşan ýalydyr* (A. Gurbanow). **Bagryňdan önmek** özüňden önmek, dogulmak (çaga hakynda). **Bagryň ezilmek** örän gynanmak, rehimiň gelmek. **Bagryň gijemek** bir zady edesiň gelmek, bir işi etmegi küýsäp durmak, döwtalap bolmak. *How, ýagşy ýigit, seniň ýaly bir pälwan ýigit görsem, meniň bagrym gijäberýär. Sen bir atdan düşsene, ikimiz bir göreş tutup göreli* ("Görogly"). **Bagryň köýmek (tütemek)** gaty gynanmak, ýanyp-bişmek, hasrat çekmek, içiň ýanmak. *El çarpanyma bagry tütäp, Süýşdi bärik golaý-golaý* (K. Gurbannepesow). **Bagryň para (para-para) bolmak** ejir çekmek, sütem görmek, horluga sezewar bolmak. *Men neýläýin, bagrym para bolupdyr, Aýralygyň derdi ýara salypdyr* (G. Burunow). **Bagryňy germek** birini eý görmek, üstünde bagryňy paralamak. **Bagryňy kebap etmek** juda köp azap görmek, ýanyp-bişmek; jepa çekmek. *Aşyk bolmaz, köp hunaba ýuwtmasa, Magşuk bolmaz, bagryn kebap etmese* (G. Burunow). **Bagryňy paralamak 1)** gynançly ýagdaýda salmak, hasrat çekdirmek, ruhy taýdan ejizletmek. *Bagryňy paralap hüwdiniň sesi, Bütin pikirleri pytradyp gidýär* (A. Atajanow). **2)** özelenip ýalbarmak, aýtmak, diýmek. **Bagryňy ýakmak** örän ynjalyksyzlanmak, jepa çekmek, janyňy ýakmak. **Bagryňy ýere bermek** halyň agyrlaşmak, agyr syrkawlykdan ýanyňy ýere bermek. **Bagryň ýanmak** bir zat ýa-da biri üçin gaty gynanmak. *Onuň-da meniň bagrym ýaly bagry ýanyp, gözleri*

*garalyp galypdyr* (A. Durdyýew). **Bagyr awusy** perzent ölümi; perzent ölümi zerarly çekilýän hasrat, gam.

**BAGYRAK** [ba:ğyrak], *syp.***1**. Bagyryp ýören, köp bagyrýan. *Bagyrak düýe.* **2**. *göç.m.* Hemişe zeýrenip ýören, mydama zeýrenip, aglamjyrap ýören.

**BAGYRAKLYK** [ba:ğyraklyk], *at.* **1**. Bagyrak häsiýetlilik. **2**. *göç.m.* Zeýrenjeňlik.

**BAGYR-BUGUR** [bağyr-vuğur], *s. ş. aňl. söz.* Örän çalt, göz açyp ýumasy salymda, çaltlyk bilen, ur-tut, haýdan-haý.

**BAGYRDATMAK** [bağyrdatmak], *işl.* Çalasynlyk bilen garbap basmak. *Öňde biriniň edişi ýaly, meni hem köpriniň üstünden başaşak oklap, bagyrdadyp, suwa basjakmyka?* (G. Gurbansähedow).

**BAGYRMA** [ba:ğyrma], *iş ady.* Bagyrmak ýagdaýy.

**BAGYRMAK** [ba:ğyrmak], *işl.* **1**. Nalaly ses çykarmak, nalaly ses etmek (düýe hakynda). *Janawar ak erkek aýaklaryny uzadyp, gyssanjyna zordan bagyrdy* (N. Pomma). **2**. *göç.m.* Zaryn ses edip, uly ili bilen aglamak, dady-perýat etmek.

**BAGYRMAKLYK** [ba:ğyrmaklyk], *iş ady.* Bagyrmak ýagdaýy.

**BAGYRMAZLYK** [ba:ğyrmazlyk], *iş ady.* **1**. Nalaly ses çykarmazlyk (düýe hakda), bagyryp durmazlyk. **2**. Zaryn ses edip, uly ili bilen aglamazlyk, dady-perýat etmezlik.

**BAGYRTDYRMAK** [ba:ğyrtdyrmak], *işl., ser.* **Bagyrtmak**.

**BAGYRTLAK** [bağyrtlak], *at, haýwanat d.* Menek-menek ýelekli, petekesiniň aşagy garaja aw guşy. *Otuň içinden bir bagyrtlak uçup gitdi.*

**BAGYRTLAMA** [bağyrtlama], *iş ady.* Bagyrtlamak ýagdaýy.

**BAGYRTLAMAK** [bağyrtlamak], *işl.* **1**. Birini ýa-da bir zady kükregiň astyna almak, üstünden basyp ýatmak. **2**. *göç.m.* Ýere ýapyrylmak, ýeriň ýüzünde süýnüp ýatmak.

◊ **Ýer bagyrtlap aglamak** bagryny ýere berip, gussa çekip aglamak. *Ýeke dikrarynyň uruşda öldi habary gelen ene ýer bagyrtlap aglaýardy.*

**BAGYRTLAMAKLYK** [bağyrtlamaklyk] *iş ady.* Bagyrtlamak ýagdaýy.

**BAGYRTLATMAK** [bağyrtlatmak], *işl.* Birini ýa-da bir zady kükreginiň astyna aldyrtmak.

**BAGYRTLAÝYŞ** [bağyrtlaýyş], *iş ady.* Bagyrtlamak ýagdaýy.

**BAGYRTMAK** [ba:ğyrtmak], *işl.* **1**. Gygyrtmak, gygyrdyp ses çykartmak. *Aý oglan, düýäni bagyrtmasaň bolmaýarmy!?* **2**. Nalaly gygyrtmak, nala çekdirmek. **3**. *göç.m.* Gygyrdyp aglatmak, dady-perýat etdirmek, zeýrendirip aglatmak.

**BAGYRYŞ** [ba:ğyryş], *iş ady.* Bagyrmak ýagdaýy.

**BAGYRYŞMAK** [ba:ğyryşmak], *işl.* **1**. Gaty ses bilen gygyryşmak, bir topar bolup bagyrmak. *Köşekler bagyryşýarlar.* **2**. Bir topar bolup närazylyk bildirmek, zeýrenişmek; aglaşmak.

**BAGYŞ** [bağyş] **I: bagyş etmek** *ser.* **Bagyşlamak**

**BAGYŞ** [bağyş] **II**, *at.* Türkmen gara öýlerinde tärimleriň birleşýän, biri-biri bilen sepleşýän ýeri.

**BAGYŞBAG** [bağyşva:ğ], *at.* Tärimleriň sepleşýän ýeri berkidilýän bag, ýüp.

**BAGYŞLAMA** [bağyşlama], *iş ady.* Bagyşlamak ýagdaýy.

**BAGYŞLAMAK** [bağyşlamak], *işl.* **1**. Birine bir zady peşgeş bermek, sylag hökmünde bagyş etmek. **2**. Bir zady biriniň ýa-da bir zadyň şanyna niýetlemek. *Ussat bagşylar, şahyrlar, obadaşlar ol bagşy barada ýakymly gürrüň etdiler, ussada bagyşlap ýazan goşgularyny okadylar* ("Türkmenistan"). **3**. Bir ugra, maksada uýmak, bir hünär, kär bilen meşgullanmak. *Ol ömrüni ylma bagyşlady.* **4**. Biriniň günäsini ötmek, ýazygyny geçmek. *Eger adam bagyşlamagy, günä ötmegi, öýke-kinäni unutmagy başarýan bolsa, ol dünýäde iň bagtyýar adamdyr* ("Türkmenistan"). **5**. *göç.m.* Gurban etmek. *Watan, halk, onuň namys-ary, Beýik Garaşsyzlygymyz, gerek bolsa ömrüňi bagyşlanyňa degýändir* ("Türkmenistan").

**BAGYŞLAMAKLYK** [bağyşlamaklyk], *iş ady.* Bagyşlamak ýagdaýy.

**BAGYŞLANMAK** [bağyşlanmak], *işl.* **1**. Birine peşgeş berilmek, sylag hökmünde gowşurylmak, bagyş edilmek. **2**. Biriniň ýa-da bir zadyň şanyna niýetlenmek. *Halkyň gahrymançylygyna bagyşlanyp goşgy ýazylýar.* **3**. Bir ugra, maksada gönükdirilmek, sarp edilmek. *Ömrüň sungata bagyşlanmak.* **4**. Birine ýa-da bir zada degişli edilip mazmunlaşdyrylmak. *Edebi agşam halk ýazyjysynyň döredijiligine bagyşlanýar*. **5**. Biriniň günäsi ötülmek, ýazygy geçilmek. *Günäsi bagyşlanan adam.*

**BAGYŞLATDYRMAK** [bağyşlatdyrmak], *işl., ser.* **Bagyşlatmak**.

**BAGYŞLATMAK** [bağyşlatmak], *işl.* Peşgeş berdirmek, sylag hökmünde gowşurtmak, bagyş etdirmek.

**BAGYŞLAÝJY** [bağyşlaýjy], *syp.* Bagyşlaýan, günäsini ötýän, ýalkaýan.

**BAGYŞLAÝYŞ** [bağyşlaýyş], *iş ady.* Bagyşlamak ýagdaýy.

**BAGZY** [bağzy], *çal., k. d.* Birnäçesi, käbiri; başgasy. *Bu dünýä diýeniň bir ajap jaýdyr, Bagzylar patyşa, bagzy gedaýdyr* ("Hüýrlukga – Hemra").

**BAHA**, *at.* **1**. Bir zada goýlan nyrh. *Nirede haryt bolçulygy bolsa, şol ýerde bahalaram aşaklaýar*

("Türkmenistan"). **2**. Bir zadyň gymmaty, ähmiýeti, tutýan orny hakynda pikir, garaýyş. **3**. Okuwçylaryň bilim derejesini görkezýän belgi. **4**. Ýaryşda gazanylan derejäni görkeziji bellik.

◊ **Baha bermek** bir zadyň ähmiýetini, nä derejededigini kesgitlemek. **Baha kesmek** nyrhyny belli etmek, nyrh kesmek. **Bahasyny ýetirmek** degişli, hakyky bahasyny bermek. **Belli bahasy ýok** örän gowy. *Seniň bu eden ýagşylygyň belli bahasy ýokdur*.

**BAHADUR**, **1.** *at, kön.s.* Batyr, edermen, pälwan. *Eý, bahadur, seniň sypatyň owalky adamlara meňzemeýär* (Andalyp). *Niçe eskap bar idi andag bahadur pähliwan* (Şeýdaýy). **2.** Oglana dakylýan at.

**BAHALAMA**, *iş ady.* Bahalamak ýagdaýy.

**BAHALAMAK**, *işl.* Satlyk harydyň bahasyny, gymmatyny kesgitlemek, nyrh kesip bahasyny aýtmak. *Ol harydyny gymmat bahalaýar.*

**BAHALAMAKLYK**, *iş ady.* Bahalamak ýagdaýy.

**BAHALAMAZLYK**, *iş ady.* Nyrh kesip, bahasyny aýtmazlyk.

**BAHALANMAK**, *işl.* Bahasy, gymmaty kesgitlenmek, nyrhy kesilmek.

**BAHALAŞDYRMAK**, *işl.* Her bir satlyk haryda baha kesmek, nyrh goýmak.

**BAHALAŞMAK**, *işl.* Satylýan zadyň bahasyny belli etmek üçin satyjy bilen gepleşmek, ylalaşmak, söwdalaşmak.

**BAHALATDYRMAK**, *işl.,ser.* **Bahalatmak**.

**BAHALATMAK**, *işl.* Bir zadyň bahasyny sorap anyklatmak, nyrh kesdirmek. *Atyny görüp, bahaladyp alaly* ("Görogly").

**BAHALAÝYŞ**, *iş ady.* Bahalamak ýagdaýy.

**BAHALY**, *syp.* Bahasy gymmat bolan, gymmat baha. *Gymmat bahalyja zatlar.*

**BAHANA**, *at.* Esassyz delil, sebäp. *Bahanam akja bäbek* (Nakyl). *Bahana ýok ýerinden bahana tapyp gülýärdi* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Bahana aramak** bir maksat bilen bahana gözlemek, esassyz delil tapjak bolmak.

**BAHANALAMAK**, *işl.* Bir zady bahana edinmek, ýerliksiz sebäp, delil görkezmek. *Otagdakylaryň hersi bir zady bahanalap çykyp gitdi* (A. Nazarow).

**BAHANALYK**, *syp.* Bahana etmek üçin, ýerliksiz delil görkezer ýaly, bahana eder ýaly, bahana bolar ýaly. *Bahanalyk sebäp ýok.*

**BAHAR**, *at.* **1**. Gyşdan soňky pasyl, ýaz. *Mylaýym bahar şemaly gülleriň ysyny getirýär.* **2**. *göç.m.* Iň lezzetli, iň gowy döwür, çag. **3**. Gyza dakylýan at.

**BAHAR-ÝAZ** [bahar-ýa:z], *at, şahyr.* Sapaly döwran. *Bilmen haçan geler ömrüň hazany, Gül açylan bahar-ýazlarym galdy* (Seýdi).

**BAHASYZ**, *syp.* **1**. Baha kesilmedik, bahasy belli bolmadyk (haryt hakynda). **2**. Bahasyna ýetip bolmaýan, örän gowy, gymmatbaha. *Men sen ýaly bahasyz göwheri nireden taparyn!*

**BAH-OW** [bah-o:w], *üml., ser.* **Bow**. *Bah-ow, inim gelen ýaly-la.*

**BAHR**, *at,k. d.* Deňiz. *Beýige akmagaý bahr olsa hem pür* (Sopy Allaýar). *Jeýhun bilen bahry-Hazar arasy, çöl üstünden öser ýeli türkmeniň* (Magtymguly).

**BAHRY-BAZ** [bahry-va:z], *at,k.d., ser.* **Bahry-laçyn**. *Algyr şuňkar laçynym, ütelgi bahry-bazym, Ýatsam, sen-sen owhalym, tursam, golumda sazym* (Mollanepes).

**BAHRY-LAÇYN** [bahry-la:çyn], *at,k.d.*. Algyr guş, awa salynýan guş. *Gollarynda bahry-laçyn, hem ütelgi bahry-baz* (Mollanepes).

**BAHYL** [bahy:l], *syp.* Biriniň işiniň şowly bolmagyny görübilmeýän, görip, içigara. *Bahylyň bagy gögermez, gögerse-de miwe bermez* (Atalar sözi). *Nesihat gulagna ýokmaz bahylyň, Köňli erimez, gara daşdyr, doň bolar* (Zelili). *Ogrudan baý bolmaz, peltekden bagşy, Bahyldan ýoldaşlyk, göripden goňşy* (Baýly şahyr).

**BAHYLÇYLYK** [bahy:lçylyk], *ser.* **Bahyllyk**. *Ol Öweziň bize çaý-çilim berenine bahylçylyk edipdir* ("Görogly").

**BAHYLLYK** [bahy:llyk], *at.* Göriplik, görübilmezçilik. – *Ondanam-a haýyr galýandyr?* – *diýip, bahyllyk bilen sorady* (H. Derýaýew).

**BAHYM**, *hal, ser.* **Basym II**. *Oglum, günüň aşagyna geç, ol at bahym yzymyzdan galar* ("Görogly").

**BAJA** [ba:ja], *at.* Aýallary dogan bolan erkek adamlaryň biri-birine garyndaşlyk gatnaşygyny görkezýän söz.

**BAJAW** [bajow], *at. Ýazlynyň baran atyzynda bajakda bolmaz, bajawam* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Döwlet guşy").

**BAJAK** [ba:jak], *at.* Çaýyr we ş.m. otlaryň ownuk kökleri bilen örtülen ýeriň üstki gatlagy depilende dargamaýan çaýyrly kesek bölegi. *Ýazlynyň baran atyzynda bajak-da bolmaz, bajawam* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Döwlet guşy").

**BAJY**, *at, gepl. d.* **1**. Aýal dogan, uýa. *Men gidýän, düýe bakýan, bajym suwlaryny çekýär* (A. Nazarow). **2**. Aýal maşgala ýüzlenip aýdylýan söz. *Gorkmaň, bajym, hiç kim size zat diýmez* (G. Kulyýew).

**BAKA** [ba:ka:] **I**, *at, k.d.*. 1. Hemişelik, mydamalyk. **2**. Sopuçylykda: geçilmeli tarykatyň iň soňky makamy (duralgasy). *Baka ýokdur söhbetine, sazyna. Dünýe bahasyzdyr, aýan görüner* (Magtymguly).

**BAKA** [baka:] **II**, Ýöneliş düşümde gelip, tarap, ugur görkezýän söz.

**BAKALY** [baka:ly], ″Göreli, hany″ diýen manyny aňladýan kömekçi söz. *Hany, aýym, sen, otur bakaly, men bir daş-içden habar alyp geleýin* (B. Seýtäkow).

**BAKAN** [baka:n], *köm. s., ser.* **Baka II**. Ýetginjek golaýda ýanaşyk oturan goşa öýe bakan ýelk ýasady (G. Kulyýew).

**BAKAN**, *at.* Atyň we ş.m. toýnagynyň iç ýüzündäki oýtak ýer, çukurjyk.

**BAKDYRMAK**, *işl.* **1**. Bir tarapa garatmak, bir ugra gönükdirmek. **2**. Maly idetmek, bakmak işini başga birine etdirmek. *Oduny ýygana ýakdyr, maly gazanana bakdyr* (Nakyl).

**BAKDYRTMAK**, *işl.* **1**. Bir tarapa garatdyrmak, bir ugra seretdirtmek. **2**. Maly idetmek, bakmak işini başga birine etdirtmek. *Goýunlary hakyna çopan tutup bakdyrtmak.*

**BAKGAL** [bakga:l], *at,kön.s.* Ownuk-uşak hojalyk harytlaryny, azyk önümlerini satýan dükançy. *Bir bakgalyň tawusynyň perinden birini ýolup getirersiň* (″Nejep oglan″).

**BAKGALÇYLYK** [bakga:lçylyk], *at,kön.s.* Bakgalyň satyjylyk käri we ýagdaýy. *Bakgalçylyk etmek.*

**BAKGALLYK** [bakga:llyk], *at, kön. s., ser.* **Bakgalçylyk**.

**BAKJA I**, *at.* Gawun-garpyz we ş.m. gök ekinleriň ekilen ýeri, bossan. *Bagdyr bakjany eý görüp, bagtdyr bereket tapan mährem ýaşuly bakja ýerinde gawundyr garpyzlaryň, kädiniň bol hasylyny ýetişdiripdir* (″Türkmenistan″).

**BAKJA II**, *at, gepl.d.* Kiçi ýaşly çagalara terbiýe berýän edara, çagalar bagy. *Iň kiçimiz bakja gatnaýar.*

**BAKJAÇY I**, *at.* Bakja ekinlerini ösdürip ýetişdirýän adam.

**BAKJAÇY II**, *at.* Çagalar bakjasynda çagalara seredýän we terbiýe berýän terbiýeçi.

**BAKJAÇYLYK**, *at.* **1**. Oba hojalygynyň gök ekinleri ösdürip ýetişdirýän pudagy. *Bakjaçylyk bilen meşgullanýan hojalyklar.* **2**. Bakja ekinleri ýetişdirilen meýdan. *Aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän ekinzarlyk Durdy aganyň şu ýylky ýetişdiren bakjaçylygydy* (″Türkmenistan″).

**BAKJAKLAMAK**, *işl.* Daş-töweregiňe seretmek, garanjaklamak. *Tamyň gündogarynda al ýorganyň ýatagy, günbatarynda bolsa Meleguş bakjaklap, gazygynyň daşynda aýlanyp ýördi* (B. Kerbabaýew).

**BAKJAKLAŞMAK**, *işl.* Iki ýa-da köp bolup, daş-töweregiňe seretmek, garanjaklamak. *Gelin-gyzlar bakjaklaşyp, eýeläp dur gözenegi* (K. Gurbannepesow).

**BAKJALYK**, *at.* Bakja ekinleriniň köp ekilen, köp gögerip oturan ýeri. *Bakjalyk meýdan.*

**BAKMAK**, *işl.* **1**. Birine ýa-da bir zada seretmek, garamak, äňetmek. *Ak mapraç aýal gaňrylyp bakdy* (N. Pomma). **2**. Öri meýdanyna goýberip saklamak, idetmek. *Otlagynda ner-maýalar bakarlar* (Misgingylyç). **3**. Gözegçilik etmek, terbiýeläp ýetişdirmek, garaşyk etmek. *Bir garyp oglandym, bakdyň, bejerdiň, Senden başga howandarym ýok meniň* (″Türkmen halk şahyrana döredijiligi″). *Olary çekdirme bilen bakdy* (N. Pomma).

**BAKNA**, *syp.* Birine ýa-da bir zada garaşly, bagly, tabyn. *Başganyň elinde bakna bolmakdan gutulýandygyna düşünýär* (N. Saryhanow).

**BAKNAÇYLYK**, *at,ser.* **Baknalyk**.

**BAKNALYK**, *at.* Bakna bolmaklyk, bakna bolmak ýagdaýy.

**BAKTERIOLOGIK** [bakteriýolo:ğik], *syp.* Bakteriologiýa degişli.

**BAKTERIÝA** [bakte:riýa], *at.* Mikroorganizm, mikrobyň bir görnüşi.

**BAKY** [ba:ky], *syp.* **1**. Hemişe, mydama, müdimi. *Biziň özümiz üçin edýän zatlarymyz özümiz bilenem ölüp gider, biziň il-gün üçin edýän zatlarymyz welin baky ýaşar* (″Watan″). **2**. Oglana dakylýan at.

◊ **Baky öý** gabyr. **Baky uka gitmek** amanadyny tabşyrmak, ölmek, ýogalmak. **Baky** at. **Baky ýurda gitmek** *ser.* **Baky uka gitmek**. *Baky ýurda gidenler ondan gaýdyp gelen ýok* (Mätäji).

**BAKY**, *at.* Mallary iýmitlendirmek, gurply ýagdaýda saklamak üçin edilýän ideg. *Mydama diýen ýaly atyny bakyda saklaýardy.*

◊ **Baka goýmak** maly semretmek üçin ýörite idetmek, baga bakmak.

**BAKYLMAK**, *işl.* **1**. Birine ýa-da bir zada seredilmek, garalmak, äňedilmek. **2**. Kadaly iýmitlendirmek, ösdürip ýetişdirmek üçin ideg edilmek, idedilmek. *Bakylýan düýeleriň örküji howut ýaly boldy* (″Edebiýat we sungat″).

**BAKYLY**, *syp.* Ýörite idedilen, baka goýlan, semredilen, semiz. *Bazardan bakyly goýun aldym.*

**BAKYLYK** [ba:kylyk], *at.* Hemişelik, mydamalyk, ömürlik. *Sebäbi sen bakylyk, müdimilik diriligiň gözbaşy! Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym* (″Watan″).

**BAKYNMAK**, *işl.* Özüň üçin mal bakmak, öz hojalygyň üçin mal idedip semretmek. *Huruşlyk goýun bakynmak.*

**BAKYR I**, *at,kön.s.* **1.** Mis. **2**. Bedre. **3**. Çäýnek. **4**. Kiçi ojak gazany.

◊ **Bakyr baýlygyny bermek** çöpboýa boýalan ýüpi reňk alandan soň hem ýene bir gün şol suwda ýatyrmak.

**BAKYR II**, *at, kön.s.* Deňiz. *Pylan ýerde bakyr bar, barsaň bakyr-da ýok, takyr-da* (Nakyl).

**BAKYSYZ**, *syp.* Ýörite bakylyp semredilmedik, baka goýulmadyk. *Bakysyz mal arryk bolýar.*

**BAKYŞ**, *iş ady.* Birine ýa-da bir zada garaýyş, serediş.*Ýörişiň messan-messan, Her bakyşyň bir dessan*

(G. Seýitliýew). *Bakyşyňda hem dirilik hem ölüm, Rehim et, öldürme, Ogulnabadym* (A. Kekilow).

**BAKYŞDYRMAK**, *işl.* **1**. Seredip çykmak, äňedişdirmek, seredişdirmek. **2**. Gözegçilik edişdirmek, garaşyk edişmek. **3**. Idedişdirmek, ideg edişdirmek.

**BAKYŞMAK**, *işl.* **1**. Biri-biriňe ýa-da bir zada bilelikde seretmek. *Näme gördüňiz, bir eýläk, bir beýläk bakyşyp dursuňyz?* **2**. Biri-biriniň garşysynda durmak, biri-birine tarap durmak. *Ululy-kiçili garaňky tamlar biri-birine bakyşyp, hoňkaryşyp durdy* (G. Kulyýew). **3**. Bakmaga, idetmäge kömekleşmek. *Sen muny bakyşypmydyň, ýakyşypmydyň?!* ("Görogly"). **4**. Bilelikde bakmak. Olar giň meýdanda goýun bakyşyp ýördüler.

**BAKYÝET** [ba:kyýet], *at, göç. m., k. d.* O dünýä.

**BAL**, *at.* Arylar maşgalasynyň her hili gül şirelerinden hasyl edýän süýji önümi, asal. *Bal tutan barmagyny ýalar* (Nakyl). *Arynyň zäherini datmadyk balyň gadyryny nä bilsin* (Nakyl). *Üzüm çakyryna bal garyp içseň, damarlardaky agyrylary aýyrýar* ("Türkmenistan").

◊ **Bala dönmek** 1) örän süýjemek. 2) has gereklenmek. *Soňky wagtlarda seni tapyp bolanok, bala dönüpsiň-aý?!* **Bal gününe batmak** gowy durmuş görmek, bol-elinlikde ýaşamak. Töweregimdäki adamlar syryljaşyp otyrka, men bir özüm bal günüme batan-da näme*?* (B. Kerbabaýew). **Baly goýalmak 1)** gowy bişmek. *Bag-bakjalardaky ir-iýmişleriň baly goýaldy.* **2)** akyly kämilleşmek, düşünjesi artmak. **Bal ýaly** örän süýji.

**BAL** [ba:l] **I**, *at.* Uly tans agşamy.

**BAL** [ba:l] **II**, *at.* **1**. Tebigy hadysanyň güýjüni, derejesini belleýän, görkezýän ölçeg birligi. *Ýer titremesiniň güýji 4-5 bala ýetipdir.* **2**. Okuw jaýlarynda, sport ýaryşlarynda san bilen bellenýän baha.

**BALA** [ba:la] **I**, *at.* **1**. Ata-enäniň öz çagasy, ogly, gyzy, perzendi. *Bal süýji, baldan-da bala süýji* (Nakyl). **2**. Çaga, perzent, nesil, nebere. *Bir käkilik aldyrsa körpe balasyn, saýraý-saýraý, yzlamaýyn bolarmy?* (Magtymguly). **3**. "Sada, tejribesiz, gögele, ýaş" diýen ýaly many aňladýan söz. *Oglum, sen entek bu zatlardan baş çykarardan bala bolýaň!* ("Edebiýat we sungat").

**BALA** [ba:la] **II**, *at.* Tüýnügiň gözüne geýdirmek üçin uguň ýonulyp inçeldilen ujy. *Balalary owranan öýüň tüýnügini tigirläp, hataryň ikinji çetindäki tama eltip urupdy* (B. Kerbabaýew).

**BALA-ÇAGA** [bala-ça:ğa], *at, gepl. d.* Oglan-uşak, çaga-çuga, ýaşajyk oglan-gyzlar.

**BALAGUŞ** [ba:lağuş], *at.* Elguşuň çagasy, ýaş elguş.

**BALAHANA** [balaha:na], *at.* Bir gat jaýyň üstünden gurulýan kiçijik tam.

**BALAJA**, *syp.* **1**. Kiçijik (çaga hakynda). **2**. *at.* Iki uly arygy biri-birine birleşdirýän ýa-da uly arykdan şahalanyp aýrylýan uly ýap.

**BALAK**, *at.* **1**. Göwräniň bilden aşaky bölegine geýilýän geýim. **2**. *ser.* **Jalbar**. *Ol dar balak geýeni halamaýarmyş* (N. Saryhanow).

◊ **Balak agy** balagyň iki gonjy bilen bizini birikdirýän bölegi. **Balak bizi** aýal geýiminiň balak ýüzüsinden ýokarky bölegi. **Balak ýüpi** aýallaryň iç geýiminiň agzyna tutmak üçin inçe egrilen gara ýüpden örülen ýasy ýüp. **Balak ýüzi** aýallaryň iç geýiminiň ýüzüne nagyş salynýan dyzdan aşaky bölegi.

**BALAKLYK**, *syp.* Balak tiker ýaly, balak tikmek üçin niýetlenen (mata). *Balaklyk mata.*

**BALAMAN I**, *at.* **1**. *kön.s.* Üflenip çalynýan saz guralynyň bir görnüşi. *Otuz iki sazy gurupdyrlar: kernaý, surnaý, balaman, gyjak, dutar, çindirebap we nagra* ("Görogly"). *Baryp görseler, balamanyny bagyrdyp, kernaýyny gygyrdyp, bu gelen goşun teke begi Zaman erdi* ("Ýusup – Ahmet"). *Sen gulak goýsaň, ýakar her dembe-dem owazy hoş, Balaman, dutar, sitardan erur hem sazy hoş* (Andalyp). **2**. *sazç.* Dilli tüýdük.

**BALAMAN II**, *at.* Elguş. *Boýy uzyn bolsun, ýüzi ak bolsun, Balaman bakyşly, tugun tap bolsun* (Zelili).

**BALÇY**, *at.* Balçylyk işi bilen meşgullanýan adam.

**BALÇYLYK**, *at.* Bal arylaryny köpeltmek, bal almak bilen meşgullanýan hojalyk pudagy. *Balçylyk hojalygy.*

**BALDAK** [ballak] **I**, *at.* Ösümligiň ýaprakly çybyjaklar ýaýradýan bölegi. *Güläleklerıň diňe baldaklary somalyşyp galypdy* (B. Kerbabaýew).

**BALDAKLAMAK** [ballaklamak], *işl.* Baldak çykarmak, baldak ýaýratmak.

**BALDYR** [ballyr], *at.* Aýagyň injik bilen dyzyň arasyndaky ýumry etli ýeri. *Birdenem çep aýagynyň baldyry syzlap gitdi* (G. Ezizow).

**BALDYRLAK** [ballyrlak], *syp.* Ýogyn baldyrly. *Baldyrlak adam*.

**BALDYZ** [ba:llyz], *at.* Gelniň adamsynyň kiçi aýal dogany we şoňa degişlilikde ulanylýan söz. *Aý ýanynyň ýyldyzy, Gelin ýanynyň baldyzy* (Atalar sözi).

**BALERINA** [baleri:na], *at.* Balet tansyny edýän gyz (aýal).

**BALET** [bale:t], *at.* **1**. Sahnada oýnalýan tans sungaty. *Mälim bolşy ýaly, balet iňňän şahyrana sungat* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Tans we üm hereketleri bilen ýerine ýetirilýän sazly teatrlaşdyrylan oýun.

**BALETMEÝSTER** [baletme:ýster], *at.* Baletleriň, tanslaryň, tansly sahnalaryň awtory we olary sahnada goýan adam.

**BALGAÝMAK** [balğaýmak], *at.* Süýtden gaýnadylyp taýýarlanýan önüm, süýji iýmit.

**BALGAZ** [balğaz], *at, ser.* **Ajybalgaz**.

**BALHY**, *at.* **1**. Tut agajynyň iri ýaprakly görnüşi. *Balhy tuduň ýasy ýapragy.* **2**. Şol tuduň dänesiz uly ak tudanasy.

**BALJAK**, *at.* **1.** Gylyç we gama ýaly sowuk ýaraglaryň tygy bilen sapynyň arasynda goýulýan egrije demir. *Gylyjyň baljagyna ýapyşdy* ("Görogly"). **2**. Gylyjyň el bilen tutulýan ýeri, sapy.

**BALKAR** [balka:r], *at, ser.* **Balkarlar**.

**BALKARLAR** [balka:rlar], *at.* Kabardin-Balkariýanyň ilatynyň bir bölegini düzýän türki halk.

**BALKYLDAMA** [balkyllama], *iş ady.* Balkyldamak ýagdaýy.

**BALKYLDAMAK** [balkyllamak], *işl.* Öwüşginli mylaýym garamak (esasan, göz hakynda). *Balkyldap duran gara gözlerinde owadanlykdan başga bir mähirlilik bardy* ("Edebiýat we sungat").

**BALKYLDAŞMAK** [balkyllaşmak], *işl.* Adamyň gözüni ýatladyp, köpçülikleýin balkyldamak, köp sanlysy ýaldyramak. *Dury asmanyň balkyldaşýan ýyldyzlaryny joşgunly ýagtylyk kem-kemden ýuwdup barýardy* (B. Kerbabaýew).

**BALKYLDATMAK** [balkyllatmak], *işl.* Öwüşginli mylaýym ýyldyratmak. *Ol otlukly gözlerini balkyldadyp, ejesine çiňerildi* (B. Kerbabaýew).

**BALKYLDAÝYŞ** [balkyllaýyş], *iş ady.* Balkyldamak ýagdaýy.

**BALLADA** [balla:da], *at, edeb.* **1**. Hekaýa mazmunly şygyr bilen ýazylan eseriň bir görnüşi. *Balladada şahyr öz adyndan sözlemän, başga adam ýa-da waka hakda gürrüň berýär* (A. Kekilow). **2**. *sazç.* Aýdym ýa-da saz gurallary eserleriniň bir görnüşi. *Ýüregiňi elendirýän bu balladany tolgunman diňlemek asla mümkin däl* ("Türkmenistan").

**BALLY**, *syp.* **1**. Bal salnan, baly bolan. *Bally käsäni getir. Bally köke.* **2**. *gepl.d.* Ýaş kiçi oglana söýgi bilen ýüzlenilip aýdylan söz. *Täçmyrat jan, ballym, taşla eliňdäki daşy?* (B. Kerbabaýew). **3**. Oglana dakylýan at.

**BALYK** [ba:lyk], *at. haýwanat d.* **1**. Suwda ýaşaýan oňurgaly jandarlaryň umumy ady. **2**. Müçe ýyl hasabynyň bäşinji ýylynyň bir ady, luw.

◊ **Balyk ýagy** belli-belli görnüşli balyklaryň bagryndan alnyp, lukmançylykda ulanylýan serişde.

**BALYKÇY** [ba:lykçy], *at.* **1**. Balyk tutmak bilen meşgullanýan adam. *Balykçy müň tümenlik düýş görse, balygyna ýorar* (Nakyl). **2** Balyk tutup iýmitlenýän suw guşy. *Balykçy gyrgy aw awlaýan wagty suwuň üstünde 15-20 metr beýiklikde uçýar* ("Türkmenistan").

**BALYKÇYLYK** [ba:lykçylyk], *at.* Hojalygyň balyk tutmak bilen meşgullanýan pudagy. *Balykçylyk hojalygy.*

**BALYKGÖZ** [ba:lykgöz] , *at.* Şoranyň bir görnüşi, guşgözi.

**BALYKGULAK** [ba:lykgulok], *at.* Oňurgasyz suw jandarlarynyň aglabasynyň beden örtügi. *Kenardan balykgulak ýygnadyk*.

**BALZAM** [balza:m], *at.* **1**. Käbir ösümlikleriň ýagly, ysly goýy şiresi. **2**. Derman ösümliklerden alnan ysly ergin ýa-da ýag görnüşli derman.

**BANAN** [bana:n], *at. ösüml.d.* **1**. Uly ýaprakly, uzyn boýly miweli agaç. **2**. Şol ösümligiň galyň gabykly süýji miwesi.

**BANK** [baňk], *at.* **1**. Pul serişdelerini saklaýan we dürli maliýe amallaryny geçirýän edara. **2**. Kart oýnunda orta goýulýan pul. *Iki şaýy, üç şaýy bank goýlup, ýigrimi bir oýnalýardy* (A. Gowşudow).

◊ **Bank hasaby** karz edarasy tarapyndan müşderisine bank hasaby hakyndaky şertnama ýa-da bank goýumy hakyndaky şertnama esasynda açylýan we müşderiniň nagt däl pul serişdeleriniň hasabyny ýöretmek we hasaplaşyk amallaryny amala aşyrmak üçin niýetlenýän hasap.

**BANKA** [baňka], *at.* Turba şekilli çüýşe gap. *Bir litrlik banka*. *Ýarym litrlik banka*.

**BANKIR** [banki:r], *at.* Bankyň ýa-da onuň köp mukdardaky paýnamasynyň eýesi.

**BAP** [ba:p] **I**, *at.* Eserdäki her bir aýry-aýry esasy bölüm. *Döwletmämmet Azadynyň "Wagzy-Azat" eseri dört bapdan ybaratdyr.*

**BAP** [ba:p] **II**, *at, k. d.* Ähli zat hakda, her bir zat hakda. *Magtymguly, söz sözlegin her bapdan* (Magtymguly).

**BAP** [ba:p] **III**, *syp.* Laýyk, kybapdaş. *Ol bu aýdyma döredijilikli çemeleşýär, oňa bap gelýän söz tapýar* ("Edebiýat we sungat").

**BAPDAŞ** [ba:pdaş], *syp.* Birine, bir zada laýyk gelýän, kybapdaş.

**BAPDAŞLYK** [ba:pdaşlyk], *at.* Birine, bir zada laýyk gelmeklik, kybapdaşlyk.

**BAPMA-BAP** [ba:pma-va:p], *hal.* Birin-birin her babyny. *Ol bu kitaby bapma-bap okap çykdy*.

**BAR** [ba:r] **I**, *ugrukd.* **1**. Biriniň ýa-da bir zadyň bolmagyny aňladýan söz. **2**. Bir zadyň barlygy, ýoklugy soralanda berilýän oňyn jogap.– *Kitabyň barmy? – Bar.*

◊ **Bar bol** "arma" diýlende "sag bol" diýen manyda berilýän jogap. *Bar bol,oglum, özüňizem armaň-da*!

**BAR** [ba:r] **II**, *at,k.d.* Miwe, hasyl. *Döwletliniň çagasy baga gitse, bar getir, Bidöwletiň çagasy namys bilen ar getir* (Atalar sözi). *Ekseň, bar getirmez ol gury söwüt, Akylsyz nadandyr, almaz hiç öwüt* (Magtymguly).

**BAR** [ba:r] **III**, *çal.* Ähli, hemme, bütin. *Biziň bar umydymyz sizdedir*.

**BAR** [ba:r] **IV**, *at.* Howa basyşynyň birligi.

**BAR** [ba:r] **V**, *kön.s.* Ýük, agyrlyk. *Guş ola köňül çün göterer bary-yşk* (Burhaneddin Siwasly).

**BARA I**, *hal.* Dura-bara, kem-kemden, ýuwaş-ýuwaşdan. *Är ogul balasy bara pür bolar, Gamçysy elinde, ýaman zor bolar* (Magtymguly).

**BARA II**, *at.* Peçiz oýnunda ýedi ýylanbaşyň hemmesiniň dükge düşmesi.

**BARABAR** [baravar], *hal,syp.* Bir zada deň bolan, bir zat bilen deň derejede hasaplanýan, bir zada laýyk. *Suw damjasy altyn dänesine barabardyr.*

**BARA-BARA** [bara-vara], *hal.* Wagt geçdigiçe, dowam etdigiçe, gitdigiçe, ýuwaş-ýuwaşdan, kem-kemden, dura-bara. *Ýöriş açar bara-bara, çöller keser menzil ara* ("Görogly"). *Bara-bara köňül geçer, Tagsyby ýok arsyz ärden* (Magtymguly).

**BARABARLAMA** [baravarlama], *iş ady.* Barabarlamak ýagdaýy.

**BARABARLAMAK** [baravarlamak], *işl.* Barabar etmek, deň, meňzeş etmek, mukdar, hil taýdan laýyk etmek.

**BARABARLAMAKLYK** [baravarlamaklyk], *iş ady.* Barabarlamak ýagdaýy.

**BARABARLANMAK** [baravarlanmak], *işl.* Barabar edilmek, deňlenmek, meňzeş edilmek, laýyklanmak.

**BARABARLAŞMAK** [baravarlaşmak], *işl.* Barabar bolmak, birine ýa-da bir zada deňleşmek, laýyk bolmak.

**BARABARLAÝYŞ** [baravarlaýyş], *iş ady.* Barabarlamak ýagdaýy.

**BARABARLYK** [baravarlyk], *at.* Bir zada meňzeşlik, laýyk gelmeklik, deňlik, kybapdaşlyk. *Pagtanyň gyzyla barabarlygy.*

**BARA-BARMANA** [bara-varma:na], *hal.* Baran badyna, bada-bat, bara-barmaşa. *Bara-barmana ony bagryna basdy.*

**BARA-BARMAŞA** [bara-varma:şa], *hal, ser.* **Bara-barmana**.

**BARADA** [ba:rada], "Hakynda, dogrusynda, babatda" diýen ýaly many aňladýan sözsoňy kömekçi.

**BARADAKY** [ba:rada:ky], *syp.* Hakyndaky.

**BARAK**, *at, haýwanat d.* Maňlaýy sakar, çüňki ak, ýelegi gara suw guşy, sakarbarak. *Goýunda erek eti, guşda barak eti* (Nakyl). *Bu ýerde barak diýermiň, ördek diýermiň, guw diýermiň, çarlak diýermiň, garaz, göwün islän guşuň bar* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Barak düýe** uzyn ýüňli, ýüňlek düýe.

**BARAKÝELBE** [barakýelve], *at, haýwanat d.* Barakdan birneme kiçiräk suw guşy.

**BARAN** [ba:ra:n], *at, k. d.* Ýagyş, ýagmyr, ýagyn. *Bulut oýnap, baran dolsa çaýlara, Akar boz bulanyp, sili Gürgeniň* (Magtymguly).

**BARARLYK**, *syp.* Bir ýere, biriniň ýanyna barar ýaly ýagdaý. *Meniň olara bararlygym ýok, nä ýüzüme baraýyn.*

**BARARMAN**, *syp.* Barmaga niýet eden, barmagy ýüregine düwen. *Biri alarman, biri bararman boldy* ("Görogly").

**BARASYNDA** [ba:rasynna], *köm. s.,ser.* **Barada**.

**BAR-BAR** [ba:r-va:r] **I, bar-bar senden** (inimden, kakamdan we başgalardan) **bar** "sen bolmasaň, işimiz bitmez, senden başga kömek edip biljek adam ýok" diýen manyda möhümiňi bitirtjek bolýan adamyňa aýdylýan aňlatma.

**BAR-BAR** [ba:r-va:r] **II, bar-bar bagyrmak** uly ýitgi, sütem, horluk zerarly gaty aglamak, zeýrenmek.

**BARÇA**, *çal.* Birnäçe, hemme, ähli, ençeme. *Barça günäniň enesi, Gybat bilen ýalandadyr* (Zelili).

**BARDA** [ba:rda], *at.* Janly organizmiň daşyndaky ýukajyk perde. *Gözüň nemli bardasy. Etiň içinde duşýan mäziň (gäniň) daşynyň bardasy.*

**BARDY-GELDI** [bardy-ğelli], *hal.* "Öňde-soňda, bilip bolmaz, birden, eger-de" ýaly manyda ulanylýan tirkeş söz.

**BARDYGYÇA** [bardyğyça], *hal.* Gitdigiçe, barha, bardykça. *Ýagyş bardygyça güýçlenýär.*

**BARDYKÇA**, *hal, ser.* **Bardygyça**. *Bardykça ýyl-ýyldan möwç urar gyşyň, Dert ýamany garrylykdyr, ýaranlar* (Magtymguly).

**BARGA** [barğa] **I**, *at.* Suwuň ýapaşaklygyna örküçlenip akýan ýeri.

**BARGA** [barğa] **II**, *at.* **1.** Ir goçdan çykan goýundan bolan irki guzy. *Körpe guzularyň arasynda barga guzy-da bar.* **2.** *göç.m.* Maşgalada çagalaryň ulujasy. *Barga balam – bagyrym, körpe balam – jigerim* (Nakyl).

**BARGA** [barğa] **III**, *at.* Öz wagtynda ekilen ekin.

**BARHA** [barha:], *hal.* Gitdigiçe, bardygyça, günsaýyn, gün-günden.

**BARHA-BARHA** [barha:-varha:], *hal.* Gitdigiçe öňküsinden has güýçli derejede, has güýçli depgin bilen.

**BARJA** [ba:rja], *çal., gepl.d.* Mukdary azajyk zatlar, san taýdan az adam. *Pulumyň barjasyny sowdum.*

**BARJAMLY** [ba:rjamly], *syp., ser.* **Barly**. *Şol mallary nireden almaly diýen sowala "barjamly adamlardan" diýip, gysgajyk jogap gaýtardy* (B. Kerbabaýew).

**BARK: bark urmak** öwşün atmak, ýalkym salmak, ýaldyramak, öwüsmek. *Ýigitler, bu dünýä şuňa mysaldyr, Bark urar asmanda, baran eglenmez* (Magtymguly).

**BARLAG** [ba:rlağ], *at.* **1**. Bir işiň dogrulygyna göz ýetirmek üçin geçirilýän derňew. **2**. Ylmy iş.

◊ **Barlag işi** okuwçylaryň bilim endiklerini ösdürmek, barlamak üçin geçirilýän ýazuw işi.

**BARLAGÇY** [ba:rlağçy], *at.* Barlag alyp baryjy, barlag geçiriji, derňewçi.

**BARLAMA** [ba:rlama], *iş ady.* Barlamak ýagdaýy.

**BARLAMAK** [ba:rlamak], *işl.* **1**. Bir zadyň dogrulygygyny anyklamak üçin derňäp görmek. **2**. Sagdygyny ýa näsagdygyny anyklamak. *Ol näsagy örän pugta barlady.* **3**. Bir zadyň bardygyny ýa-da ýokdugyny bilmek üçin seredip çykmak, gözden geçirmek. *Eňegi ýaglyk bilen daňylgy adam döwekçileriň goşuny barlamaga başlady* (A. Gowşudow). **4**. Synagdan geçirmek. *Okuwçylaryň bilimini barlamak.* **5**. Synap görmek, işledip görmek. **6**. Ylmy esasda öwrenmek maksady bilen ylmy-barlag işini alyp barmak, derňemek. *Topragyň düzümini barlamak.*

**BARLAMAKLYK** [ba:rlamaklyk], *iş ady.* Barlamak ýagdaýy.

**BARLANMAK** [ba:rlanmak], *işl.* **1**. Derňew geçirilmek, derňelmek. *Biziň bölümimiziň bir ýylda eden işi barlandy.* **2**. Synag edilmek, synalyp görülmek. *Okuwçylaryň iňlis dilini özleşdirişleri barlandy.* **3**. Bir zadyň bardygy ýa-da ýokdugy bilinmek üçin seredilip çykylmak, gözden geçirilmek. *Gümrükhanada ýolagçylaryň goşlary barlandy.* **4**. Öwrenmek maksady bilen ylmy-barlag işi geçirilmek, derňelmek. *Türkmenistanyň nebit gorlary barlandy.*

**BARLAŞDYRMAK** [ba:rlaşdyrmak], *işl.* **1**. Birnäçe gezek eli bilen barlap çykmak. *Gulman arçyn itiň endamyny eli bilen barlaşdyrdy* (A. Gowşudow). **2**. Bir ýan ujundan synag edip görmek, synap görüşdirmek. **3**. Agtaryşdyrmak, agtaryp çykmak. **4**. Bir ýanyndan gözden geçirip çykmak, bir toparyny, ençemesini gözden geçirmek. *Mugallym okuwçylaryň depderlerini barlaşdyrdy.*

**BARLAŞMAK** [ba:rlaşmak], *işl.* **1**. Birine bir zady barlamaga kömekleşmek. *Ol ýoldaşyna depder barlaşdy.* **2**. Bilelikde barlamak. *Şepagat uýalary näsaglaryň ganyny barlaşyp otyr.*

**BARLATDYRMAK** [ba:rlatdyrmak], *işl.*, *ser.* **Barlatmak**.

**BARLATMAK** [ba:rlatmak], *işl.* **1**. Barlamak işini başga birine etdirtmek; bir zadyň nä derejededigini anyklatmak. *Sagadyň işleýşini barlatmak. Ol oglunyň saglygyny barlatdy. Men hemmesini jikme-jik barlatdym* (A. Nazarow).

**BARLAÝYŞ** [ba:rlaýyş], *iş ady.* Barlamak ýagdaýy.

**BARLY** [ba:rly], *syp.* Zada mätäç bolmadyk, baý, gurply, barjamly. *Barlynyň bazary ýanynda* (Nakyl).

**BARLYK** [ba:rlyk], *at.* **1**. Bar bolmaklyk, ýok dällik. **2**. Gurşap alan durmuş, ýaşaýyş. *Men bu gün säher oýanyp, çykdym lälezarlyga, Depäm üste ümmülmez gümmeze gözüm düşdi. Bu äleme guwandym, guwandym men barlyga, Ýylda solup, baky solmaz güllere gözüm düşdi* (G. Ezizow).

**BARLYLYK** [ba:rlylyk], *at.* Zada mätäç dällik, gurplulyk, baýlyk, barjamlylyk.

**BARLYŞDYRMAK**, *işl.* **1**. Närazy taraplary ylalaşdyrmak, ýaraşdyrmak. *Küle girrigi öz gyzy hem giýewisi bilen barlyşdyryp, bular hem öýli-öýlerine gitdiler* (A. Gowşudow). **2**. Iki tarapy razy etmek, razylaşdyrmak. **3**. Birleşdirip bir ugra gönükdirmek, birikdirmek.

**BARLYŞDYRYJY**, *at.* Ýaraşdyryjy, ylalaşdyryjy.

**BARLYŞMA**, *iş ady.* Barlyşmak ýagdaýy.

**BARLYŞMAK**, *işl.* **1**. Ylalaşyga gelmek, ýaraşyk etmek, aragatnaşygy dikeltmek. *Barlyşmaly ýa-da yza çekilmeli – diýip, teklip edenleriň her birine ol üzül-kesil jogap berdi* (B. Kerbabaýew). **2**. Söwdada, syýasatda we ş.m. iki tarap özara razy bolmak, razylaşmak.

**BARLYŞYK**, *at.* Ylalaşyk, ýaraşyk, ylalaşykly aragatnaşyk. *Urşy barlyşyk bilen gutarmaly diýen talap hem boldy* (B. Kerbabaýew).

**BARLYŞYKSYZ**, *syp.* Ylalaşyksyz, ylalaşyk saklamaýan. *Barlyşyksyz hereket etmek.*

**BARLYŞYKSYZLYK**, *at.* Ylalaşyksyzlyk, barlyşyksyzlyk.

**BARMAK I**, *işl.* **1**. Bir ýerden ikinji bir ýere ugramak, gitmek. *Nireden gelip, nirä barýarsyňyz?* ("Türkmen halk ertekileri"). *Bar, okaram, gel, okaram, barmasaň, gelmeseň, ara ýolda döwül okaram* (Halk döredijiliginden). **2**. Bir ýerden ikinji bir ýere gelmek. **3**. Amala aşmak, ýöremek, gitmek. *Bularyň döwek işleri şowly barýardy* (A. Gowşudow). **4**. Birine durmuşa çykmak, äre gitmek. *Gyz halaşýan ýigidine barypdyr.* **5**. Belli bir derejä, çäge ýetmek. *Howanyň yssylygy kyrk bäşe bardy.* **6**. Kömekçi işlik hyzmatynda hal işlik bilen ýanaşyk gelip, hereketiň dowamlylygyny, bilelikdäki hereketi aňladýan söz. *Agzyňda eräp-akyp barýan bu täsin hörek daýhanyň maňlaý deri, türkmen güneşiniň yssy çogunyň, beýik Taňrynyň täsin gudraty bilen ýerleşdirilýär* ("Watan").

◊ **Baryp ýatan** iň gowy ýa-da iň erbet, aňrybaş. *Ol baryp ýatan mysapyr adamdyr.*

**BARMAK II**, *at.* **1**. Eliň penjesini emele getirýän, aralary syňrak bilen bölünen, zat tutmak, almak üçin amatly bolan, şeýle hem aýaklaryň daraklygyndan öňki bogun-bogun bölegini düzýän dyrnakly beden agzasynyň umumy ady. *Bäş barmagyň barysy deň bolmaýar* (Atalar sözi). *Başam barmak baş getir, süýem barmak süýt getir* (Sanawaç). **2**. Hala, keçä salynýan nagyş. **3**. Goňur sapak çekilip, dörde bölünen keşde (kürtä, çyrpa, gyz tahýasyna salynýan nagyş).

◊ **Barmagyňy batyrmak** urmak niýeti bilen birine eliňi degirmek, çala kakmak. *Şu günden beýläk jigime barmagyňy batyrsaňam zor boldugyň.* **Barmagyňy dişlemek 1)** geň galmak, haýran galmak. *Kemal han Hemrany görüp, haýran galyp durdy. Aklyny ýitirip, barmagyny dişledi* ("Saýatly – Hemra"). **2)** eden işiňe

ökünmek. *Bilen bilenin işlär, bilmedik barmagyny dişlär* (Nakyl). **Barmak basmak** gol goýmagyň ýerine süýem barmagyň ujuna syýa çalyp, hatyň yzyna basmak. **Barmak basyp sanardan kän (köp)** san taýdan köp. *Toýa gelenler barmak basyp sanardan kän*. **Barmak çommaltmak** duýduryş etmek, yşarat etmek. *Ol kimdir birine barmagyny çommaltdy.* **Barmak ýaka** "Barmak" nagşy salnan kürte ýakasy.

**BARMAKSA**, *at.* Gyrkylyk, gaýçy, synny bilen işlenende barmagyňa dolanýan, oralýan ýüň ýa-da mata.

**BARMAŞA** [barma:şa], *hal.* Baran badyna, ýeten dessine. *Ol barmaşa atdan düşdi.*

**BAROMETR** [baro:me:tir], *at.* Howanyň basyşyny ölçeýän abzal.

**BARS**, *at.* **1**. Pişikler maşgalasyndan bolan, gaplaňa meňzeş ýyrtyjy ýabany haýwan. **2**. Müçe ýyl hasabynyň üçünji ýylynyň ady.

**BARŞYK-GELŞIK**, *at, gepl.d.* Gatnaşyk, baryş-geliş, aragatnaşyk.

**BARŞYN** [barşy:n], *hal*. Niräde bolsa bir ýere barýan wagtyňda ýüz ugra, gidişin. *Men oba barýan. Barşyn ýol ugrundaky dükandan, bar bolsa, diýen zadyňy özüm alaýaryn.*

**BARŞYP-GELIŞMEK**, *işl.* Gatnaşyk saklamak, aragatnaşykda bolmak. *Men onuň bilen tiz-tizden barşyp-gelişmesem-de, hat alşyp* durýaryn.

**BARY** [ba:ry], *çal.* **1**. Ähli̇si, hemmesi. *Ilatyň barysy.* **2**. Bar bolany, bar *zat,* el ýüzündäki zat. *Baryny beren uýalmaz* (Nakyl).

◊ **Bary bilen bazar eýlemek** bary bilen oňşuk etmek.

**BARYBIR** [ba:ryvir], *köm. s.* Nähili-de bolsa, her niçik-de bolsa, düýbünden, asla. *Biz, barybir, olardan galmarys*.

**BARYLMAK**, *işl.* Başga bir ýerden ikinji bir ýere gitmek.

**BARYP**, *hal.* Mundan ep-esli wagt öň, bir wagt, bireýýäm. *Baryp sagat üçde öýden çykyşym, gaýdar wagt bolupdyr*.

**BARYP-GELIŞMEK**, *ser.* **Barşyp-gelişmek**.

**BARYŞ**, *iş ady.* Bir hereketiň, işiň ýagdaýy, işiň ösüş döwri, depgini. *Maşynlaryň ol köçeden barşyny, Beýik penjireleň akja perdesin, ...Öňler müňläp kişi görenem bolsa, ...Görüp bilmek gerek ilkinji gezek* (G. Ezizow).

**BARYŞDYRMAK**, *işl.*, *gepl.d.* **1**. *ser.* **Barlyşdyrmak**. *Tersleşenleri baryşdyrmak.* **2**. Köp ýere baryp görmek, aýlanyp çykmak. *Şu gün barmaly ýerlere baryşdyrdym.*

**BARYŞDYRYJY**, *at,gepl. d.*, *ser.* **Barlyşdyryjy**.

**BARYŞ-GELIŞ** [baryş-ğeliş], **1**. *iş ady.* Baryş-geliş etmek ýagdaýy. **2**. *at.* Dostlukly gatnaşyk, özara ýakyn gatnaşyk. *Baryş-geliş etmek.*

**BARYŞ-GELIŞLI** [baryş-ğelişli], *syp.* Özara gatnaşykly, ýakyn aragatnaşyk saklaýan. *Baryş-gelişli gatnaşyk.*

**BARYŞ-GELIŞLILIK** [baryş-ğelişlilik], *at.* Özara gatnaşyklylyk, ýakyn aragatnaşyk saklaýjylyk.

**BARYŞMA**, *iş ady.* Baryşmak ýagdaýy.

**BARYŞMAK**, *işl.,* **1**. Bir ýere ýuwaş-ýuwaşdan üýşmek, ýygnanyşmak, toplanyşmak. *Adamlar meýdança baryşdylar.* **2**. *ser.* **Barlyşmak**. **3**. Gatnaşyk etmek, aragatnaşykda bolmak. *Baryşsaň, mert bilen baryş, Namartlardan bitmez her iş* (Seýdi).

**BARYŞMAKLYK**, *iş ady.* Baryşmak ýagdaýy.

**BARYT** [bary:t], *at,him.* Kükürt turşuly mineral. *Olar ýetişip bildiklerinden guýa baryt oklaýardylar.*

**BARY-ÝOGY** [ba:ry-ýo:ğy], *çal.* Bar bolanjasy (az sanly zat hakda). *Gördüňizmi, ýaşuly, bary-ýogy bäş ýylda nähili üýtgeşiklik bolýar* ("Edebiýat we sungat").

**BARÝAKA** [barýa:ka:], *hal*. Dura-bara, kem-kemden, ahyr soňunda. *Barýaka hemme zat gowulaşar.*

**BAS** [ba:s], *at, sazç.* **1**. Erkek adamyň pes, ýogyn sesi. **2**. Pes, ýogyn sesli saz guraly. **3**. Pes, ýogyn sesli aýdym aýdýan adam.

**BAS**, *üml.* Iti küşgürmek üçin ulanylýan söz. *Akbaý, bas! Böwser, bas!*

**BASA: basa düşmek** basyp ýykmak. **Basa oturmak** bir işiň üstünde galman, köp oturmak. *Basa oturyp işlemäni başarmak gerek.*

**BASA-BAS** [basa-vas], *at.* Köpçüligiň arasynda dyknyşykly, gyslyşykly, itnişikli ýagdaý.

**BASA-BASLYK** [basa-vaslyk], *at.* Üýşen märekäniň arasyndaky dyknyşyk, itnişik. *Suwuň üsti basa-baslyk däl.*

**BASAGA** [basağa], *at, balykç.* Balyk kabul etmek, saklamak, duzlamak we ýüklemek üçin deňziň ýalpak ýerinde gurulýan desga.

**BASALAMA**, *iş ady.* Basalamak ýagdaýy.

**BASALAMAK**, *işl.* Biriniň ýa-da bir zadyň üstünden yzly-yzyna birnäçe gezek basmak, depelemek, basgylamak.

**BASALANMAK**, *işl.* Birnäçe gezek basylmak, köp gezek basylmak, depelenmek.

**BASALAŞDYRMAK**, *işl.* Basalap çykmak, yzly-yzyna birnäçe gezek basmak, depeleşdirmek.

**BASALAŞMAK**, *işl.* Biri-biriňi basalap oýun edişmek. *Bäşim müçesiniň kiçiligine garaman basalaşardy, göreşerdi* (B. Kerbabaýew).

**BASALAŞYK**, *at, ser.* **Basa-baslyk**.

**BASALATDYRMAK**, *işl.*, *ser.* **Basalatmak**.

**BASALATMAK**, *işl.* Birnäçe gezek basdyrmak, köp gezek basdyrmak, depeletmek.

**BASALAÝYŞ**, *iş ady.* Basalamak ýagdaýy.

**BASALYK I**, *hal.* Golaý, ýakyn, çemesi. *Bäş ýüze basalyk hojalyk saňa bil baglady* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Basalyk bolmak** agyr ýagdaýda köşeşdirmek, ynjalyklandyrmak; ganygyzgynlyga ýol bermezlik. *Ol telwas edip duran ýüregine basalyk bolup bilmeýärdi* (N. Saryhanow).

**BASALYKLY**, *syp.* Golaý bolan, ýakyn bolan, çemesindäki. *Eýýäm bir ýyla basalykly wagt geçdi* (B. Gulow).

**BASDYRMAK** [bassyrmak], *işl.***1**. Basmak işini başga birine etdirmek. *Küde basdyrmak. Haltalary basdyrmak.* **2**. Aýak astyna aldyrmak, üstünden agram saldyryp depeletmek. **3**. *göç.m.* Bir ýagdaýa sezewar bolmak, bir ýagdaý gurşap almak ýa-da bir ýagdaýa sezewar etmek. *Indi ol sähel ˙zada üstüni gaýga basdyryp dur*. **4**. Haşal otlaryň köpçülikleýin gögerip, üstüni basmagyna ýol bermek. *Ekinleri ota-çöpe basdyrmaly däl* ("Watan"). **5**. *göç.m.* Türmä saldyrmak, tutdurmak, ýygnatmak, gözenekden garatmak. **6**. Tikini bassyrma görnüşinde tikmek, ilki depjäp, soňundan basdyrma tikininde tikmek.

**BASGALAMAK** [basğalamak], *işl.*, *gepl. d.*, *ser.* **Basalamak**.

**BASGANÇAK** [basğançak], *at.* **1**. Aýak basyp ýokary çykmak we aşak düşmek maksady bilen daşdan, demirden ýa-da agaçdan keseligine goýlup ýasalan münüp-düşelge. *Daşlary dost-ýarlaryndan doly, gollary ter gül desseli iki ýaş juwan göçgünli sazyň astynda basgançaklar bilen ýokary çykyp barýar* ("Türkmenistan"). **2**. Merdiwanyň aýak basylýan kese kakylan agajy. **3**. *göç.m.* Biriniň ýa-da bir zadyň ösüş, orun alyş derejesi, mertebesi.

**BASGY** [basğy], *at.* Howsalaly ýagdaý, aljyraňňy ýagdaý, başagaýlyk, aljyraňňylyk. *Içlerine howp düşüp, uly basga galdylar* ("Görogly").

**BASGYÇ** [basğyç] **I**, *at, kön. s.* Syýa sordurmak üçin sorguç berkidilen enjam we şonuň kagyzy.

**BASGYÇ** [basğyç] **II**, *at.* Gol güýji bilen guýudan suw almakda ulanylýan agajyň ýere galtaşýan ujuna dakylýan daş, demir we ş.m.

**BASGYÇLAMA** [basğyşlama], *iş ady.* Basgyçlamak ýagdaýy.

**BASGYÇLAMAK** [basğyşlamak], *işl.* Basgyç dakmak, basgyç berkitmek.

**BASGYLAMA** [basğylama], *iş ady.* Basgylamak ýagdaýy.

**BASGYLAMAK** [basğylamak], *işl.* **1**. Üstünden birnäçe gezek depeläp ýatyrmak, birnäçe gezek depeläp berkitmek, basgalamak, basalamak. **2**. *göç.m.* Äsgermezlik edip horlamak, azar bermek, ezmek.

**BASGYLAMAKLYK** [basğylamaklyk], *iş ady.* Basgylamak ýagdaýy.

**BASGYLANMAK** [basğylanmak], *işl.* **1**. Aýak astynda galmak, depelenmek. **2**. *göç.m.* Äsgermezlik edilip horlanmak, azar berilmek, ezilmek.

**BASGYLAŞDYRMAK** [basğylaşdyrmak], *işl.* **1**. Birnäçe zadyň üstünden basyşdyryp, depeleşdirip çykmak; depeläp berkleşdirmek. *Üstünden bolsa aýagy bilen ýagşyja basgylaşdyrdy* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *göç.m.* Äsgermezlik edip, horluk baryny görkezmek.

**BASGYLAŞMAK** [basğylaşmak], *işl.* Aýak astyna alyp, basgylamaga kömekleşmek.

**BASGYLATDYRMAK** [basğylatdyrmak], *işl.,ser.* **Basgylatmak**.

**BASGYLATMAK** [basğylatmak], *işl.* **1**. Aýak astynda galdyrmak, depeletmek. **2**. *göç.m.* Äsgermezlik etdirip horlatmak, azar berdirtmek.

**BASGYLAÝYŞ** [basğylaýyş], *iş ady.* Basgylamak ýagdaýy.

**BASGYN**: **basgyn almak (tutmak)** köp zat biri-biriniň üstüne basylyp ýatmak, baslykmak. *Dag ýaly üýşürilen gowaça çöplerini basgyn alypdyr*.

**BASKETBOL** [basketbo:l], *at.* Sütün tagtasyna berkidilen halkaly tora el bilen top oklap düşürmek şerti bilen, iki toparyň arasynda oýnalýan oýun. *Basketbol oýny boýunça garşydaşlarymyz bilen ilkinji duşuşyklarymyz şowly boldy.*

**BASKETBOLÇY** [basketbo:lçy], *at.* Basketbol oýnuny oýnaýan oýunçy.

**BASLYK**, *at.* Haly çitimini berkitmek üçin erişleriň arasyndan geçirilip darak urulýan öllenen nah sapak, ýüplük. *Goşa baslyk kakylyp dokalan haly*.

◊ **Baslygyny ýetirmek** daragy ýeterlik derejede berk hem batly urmak, kakmak.

**BASLYKDYRMAK**, *işl.* Birnäçe zady biri-biriniň üstüne basyp goýmak. *Dersleri üýşürip, baslykdyryp goýmak.*

**BASLYKMAK**, *işl.***1**. Üst-üste ýa-da münderlenen zatlar biri-birini basyp durmak. **2**. Üst-üste ýagdaýda üýşüp ýatmak. *Bu ýerde on ýyldan bäri baslygyp ýatan metal bölekleriniň bardygy anyklandy.*

**BASMA I**, **1**. *iş ady.* Basmak ýagdaýy. **2**. *at.* Çaphana harpy. **3**. Basmaça ýazylan ýazgy. *Ol haty basma harplar bilen ýazdy*. **4**. Çaphanada basylýan, çap edilýän. *Basma kitap.*

◊ **Basma çüý** kagyzy we ş.m. gaty zadyň ýüzüne kakyp, berkidip goýmak üçin ulanylýan ýasy kelleli çüýjagaz.

**BASMA II**, *at.* Işilen sapagy geýimiň ýüzüne goýup, belli bir aralyk boýunça üstünden sanjyp, nagyş salmak täri we şol tär bilen salnan nagyş. *Basma nagyş.*

**BASMA III,** *at.* Saç boýalýan reňkiň bir görnüşi.

**BASMAK**, *işl.* **1**. Agram salmak, üstünden agram bermek. **2**. Üstün çykmak, boýun egdirmek,

ýeňmek. *Esgerlerimiz mertlerçe söweşip, duşman leşgerlerini basypdylar.* **3**. Agramyny atyp, güýçden gaçyrmak, ynjalykdan aýyrmak. *Ýaman habar adamyň depesinden basyp, demligini daraldýan agyr labyr bolsa, ýagşy habar ajaýyp bir zat bolup, oňa ganat bagladýar-da, çökgün göwnüňi al asmana göterýär* (B. Kerbabaýew). **4**. Çalasyn ädim ätmek, ýöremek. *Aýjahan ýeňil-ýeňil basyp, jaýyň beýleki böwrüne geçdi* (B. Gulow). **5**. Içki täsiri peseltmek, gowşatmak. *Ol içki ýigrenjini zor bilen basyp, onuň agzyna bakdy* (B. Seýtäkow). **6**. Ýykmak; ýykyp üstüne agramyňy atmak. *Üstünden agyr göwresini goýberip basmak*. **7**. Bedeniň belli bir ýerinde goýup ýapmak. *Derrew esgi ýakyp basyň, daňyň*. **8**. Ýüzüni, üstüni örtmek. **9**. Gurşap almak. *Üstüni gar basmak. Gowaçalary ot basmak. Daglar başyn ümür basan, Jülgesinde güller ösen* (Magtymguly). **10**. Üsti-üstüne atyp üýşürmek, toplamak, ýygnamak. *Bede basmak. Odun basmak. Gowaça çöpüni basmak. Üzümçöpi basmak. Ýandak basmak.* **11**. Ýüklemek, urmak. **12**. Bikanun ýol bilen köp pul ýygnamak, uly baýlyk toplamak. **13**. Türmä salmak, tussag etmek. *Jenaýatkäri basmak.*

◊ **Basan ýerinden ot çykmak** gaýratly, edenli hereket etmek, dogumly bolmak. **Basjak ýeriňi saýgarmazlyk** pikirlenip, oýlanyp hereket edip bilmezlik. **Basyp almak** boýun egdirmek, bakna etmek. **Basyp giden yzyça görmezlik** özüňçe görmezlik, hasap etmezlik, äsgermezlik. *Men ony basyp giden yzymça-da göremok.*

**BASMARLAMAK**, *işl.* Her hili durmuş we tebigy ýagdaýlar üsti-üstüne bolup täsir etmek, agram salmak, sus etmek. *Dert agyr bolup, gün-günden ony basmarlaýardy*. *Ony uky basmarlaýardy*.

**BASNÝA** [ba:snyýa], *at.* Kinaýaly äheňde goşgy bilen ýazylan göçme manyly gysgajyk eser. *Basnýada eseriň gahrymanlary haýwanlar bolýar.*

**BASNÝAÇY** [ba:snyýaçy], *at.* Basnýa eserini dörediji, basnýanyň awtory.

**BASRAN** [basyran] **I**, *at.* Tagma basmak üçin ulanylýan halkaly demir.

**BASRAN** [basyran] **II**, *at.* Suw degirmeniniň we guýy çarhynyň içinden geçýän demir.

**BASSAŞ**, *syp.* **1**. Biri-biriniň yz ýanyndan doglan çaga. *Onuň iki sany bassaş ogly bardy.* **2**. Biri-birinden hiç bir zatda kem galmajak bolýan, bäsdeş. *Käbir adam gaty bassaş bolýar, haýsy zat bolsa, edil kem galyp barýan ýalydyr.*

**BASSAŞLYK**, *at.* **1**. Biri-biriniň yzyndan dogulmaklyk, tirkeşiklik ýagdaýy (çaga hakynda). **2**. Biri-birinden işde we durmuşda kem galmajak bolmaklyk. *Olar ters bolmasalar hem bassaşlyk etdi* (N. Saryhanow).

**BASSYR**, *hal.* Yzly-yzyna. *Ýerli oýunçylar oýnuň birinji ýarymynda bassyr dört pökgini derwezeden geçirdiler.*

**BASSYR-BASSYR** [bassyr-vassyr], *hal. Birnäçe gezek yzyny üzmän, yzly-yzyna. Olara bassyr-bassyr bäş-alty gezek barmaly bolupdym.*

**BASSYR-BUSSUR** [bassyr-vussur], *hal, ser.* **Bassyr-ýussur**.

**BASSYR-BUSSURLYK** [bassyr-vussurluk], *at, ser.* **Bassyr-ýussurlyk**.

**BASSYRMA I**, *at.* **1**. Yssydan we ygaldan goranmak üçin oturylýan, mal daňylýan, gural goýulýan töweregi açyk, üsti basyrylgy ýer. *Bassyrmanyň bir çetinde çaý içip oturan on-on iki sany ýaşulynyň gürrüňi gyzyşypdy* ("Türkmenistan").

**BASSYRMA II**, *at.* Iki sany biri-birine urnalyp tikilýän matanyň biriniň gyrasy beýlekisine görä artygrak tutulyp depjelenden soň, artyk tarapy beýleki gysga tarapynyň üstüne eplenip, üpür-çüpürler görünmez ýaly edilip gaýtadan tikilýän tikin.

**BASSYRMA III**, *at.* Ete, tüwä burç, duz sepilip, suwda gaýnadylyp, suwuny çekenden soň üsti basyrylyp, pes otda buglanyp taýýarlanýan nahar.

**BASSYR-ÝUSSUR**, *hal.* Gizlin, ýaşyryn, gizlinlik bilen, ýaşyrynlyk bilen, bassyr-bussur. *Bolan zady bassyr-ýussur etmek gerek däl.*

**BASSYR-ÝUSSURLYK** [bassyr-ýussurluk], *at.* Gizlinlik, ýaşyrynlyk, bassyr-bussurlyk.

**BASYBALYJY** [basyvalyjy], *at.* Basybalyjylykly syýasat ýörediji we şol syýasaty amala aşyryjy.

**BASYBALYJYLYK** [basyvalyjylyk], *at.* Kesekiniň ýurduny, ýerini zorluk bilen basyp almaklyk syýasaty.

**BASYBALYJYLYKLY** [basyvalyjylykly], *syp.* Basyp almak maksady bilen amala aşyrylýan. *Daşky duşmanlaryň basybalyjylykly ýörişleri parahat oturan ilaty bütinleý tozdurypdyr.*

**BASYK I**, *at, lukmanç.* Köplenç, çagalarda bolýan bogaz mäzleriniň çişme keseli. *Basygy basmasaň, özüňi basar* (Nakyl).

**BASYK II**, *syp.* Ýuwaş, agras, pes (ses barada). *Jereniň gözlerini süzüp, basyk ses bilen jogap bermegi, onuň şübhesine şaýatlyk edýän ýaly göründi* (G. Kulyýew).

**BASYKLAÇ**, *syp.* Ýuwaşrak, agrasrak, pesräk. *Märekäniň yzky hatarlarynda basyklaç hümürdi eşidilýärdi.*

**BASYLMAK**, *işl.* **1**. Agram salynmak, üstüne agram düşmek; basgylanmak, depelenmek. **2**. Bir ýere üýşürilmek, üsti-üstüne toplanyp goýulmak. *Öýüň ileri ýüzüne odunlyk üzüm çöpi basylypdyr.* **3**. Güýjüň

asgyn gelmek, ýeňilmek. *Sen işden basylyp ýörme.* **4**. *göç.m.* Tussag edilmek, azatlykdan mahrum edilmek. **5**. Gowşamak, peselmek. *Bu söze onuň ýüregindäki howsala azajyk-da bolsa basylan ýaly boldy.*

**BASYM I**, *at.* Önümiň basylyp, işleniş derejesi. *Keçäniň basymyny ýetirmeseň, gowşak bolýar.*

**BASYM II**, *hal.* Tiz wagtyň içinde, derrew, tiz, çalt. *Basym gelgin*.

**BASYM III**, *at.* **1**. *dil b.* Sözleriň belli bir bognunyň beýleki bogunlardan batlyrak, zarplyrak aýdylmagy. *Türkmen dilinde basym, köplenç, sözüň soňky bognuna düşýär.* **2**. *sazç*. Saz sesiniň ýakymlylygy, mylaýymlygy, sesiň aýratynlygy.

◊ **Basym belgisi** basym düşýän batlyrak, zarplyrak aýdylýan çekimliniň üstünden goýulýan saga ýapgydrak dik çyzyjak.

**BASYMLY**, *syp.* Basym bilen aýdylýan.

**BASYR-BASYR** [basy:r-vasy:r] **basyr-basyr etmek** köplenç, çagany, syrkaw adamy gereginden artyk basyrmak.

**BASYRGANMAK** [basyrğanmak], *işl.* Ukuda ýatyrkaň samramak, düýşürgäp samyrdamak. *Oňly ýatyp bilmedi, basyrgandy ýatdy* ("Edebiýat we sungat").

**BASYRGY** [basyrğy], *at.* **1**. *ser.* **Basyryk**. *Ýaryşdan gelen aty basyrgy bilen basyrdylar.* **2**. Bir zadyň üstüni ýapmak, örtmek, basyrmak üçin peýdalanylýan zat.

**BASYRGYLYK** [basyrğylyk], *syp.* Basyrgy üçin niýetlenen.

**BASYRMA**, *iş ady.* Basyrmak ýagdaýy.

**BASYRMAK**, *işl.***1**. Biriniň ýa-da bir zadyň üstüni ýapmak, örtmek. *Akjagül çaý demläp, basyryp goýdy* (B. Seýtäkow). **2**. Syry, kemçiligi, günäni, ýalňyşlygy we ş.m. gizlemek, ýaşyrmak. *Onuň gören bu ýowuz çäreleri hakykatyň üstüni basyryp bilmedi* (N. Saryhanow). **3**. Jüýje çykartmak üçin kürk towugyň aşagyna ýumurtga salmak, goýmak. *Men şol ýagyşlyk ýylyň ýazy iki towuk basyrdym* (A. Gowşudow). **4**. Gatyk etmek üçin bişen süýde gönezlik atyp, gabyň üstüni örtüp goýmak. *Ol basyran gatygynyň üstüni açdy.*

**BASYRMAKLYK**, *iş ady.* Basyrmak ýagdaýy.

**BASYRTMAK**, *işl.***1**. Basyrmak işini başga birine etdirmek. *Işçilere jaýyň üstüni basyrtmak. Gatyk basyrtmak. Towuk basyrtmak.*

◊ **Üstüni basyrtmak** syry, kemçiligi, günäni, ýalňyşlygy we. ş.m. gizletmek, ýaşyrtmak.

**BASYRYK**, *at.* Aty sowukdan we yssydan goramak üçin onuň üstüne atylýan ýörite keçe, atkeçe, basyrgy. *Aty köýnekçe bilen basyryk bezär* (B. Kerbabaýew).

**BASYRYKLAMAK**, *işl.* Atyň üstüne basyryk ýapmak. *Derrew git-de atlary basyrykla!* (H. Deryaýew).

**BASYRYKLANMAK**, *işl.* Atyň üstüne basyryk ýapylmak.

**BASYRYLMAK**, *işl.* **1**. Biriniň ýa-da bir zadyň üsti ýapylmak, örtülmek. *Üsti gar bilen basyrylan dag gerişleri gözüňi gamaşdyrýar.* **2**. Syr, kemçilik, günä, ýalňyşlyk we ş.m. gizlenmek, ýaşyrylmak. **3**. Jüýje çykartmak üçin kürk bolan towugyň aşagyna ýumurtga salynmak. *Kürk bolan towuklaryň bäşisi-de basyryldy.* **4**. Gatyk etmek üçin bişen süýde gönezlik atylyp, gabyň üsti örtülip goýulmak.

**BASYRYNDY** [basyrynny], *at.* Iki tarap bolup, agşam çagy oýnalýan çaga oýny.

**BASYRYNMAK**, *işl.* Bir zat bilen öz üstüňi basyrmak, bir zady ýapynmak, örtünmek, bürenmek.

**BASYRYŞ**, *iş ady.* Basyrmak ýagdaýy.

**BASYRYŞDYRMAK**, *işl.* **1**. Birnäçe zadyň üstüni basyryp çykmak, ýapyşdyrmak, örtüşdirmek. **2**. Birnäçe syry, kemçiligi, günäni, ýalňyşlygy we ş.m. gizlemek, ýaşyrmak. **3**. Kürk bolan towuklary basyryp çykmak, ählisini basyrmak. **4**. Köp mukdarda gatyk basyryp çykmak.

**BASYRYŞMAK**, *işl.* **1**. Biriniň ýa-da bir zadyň üstüni ýapmaga kömek etmek. *Jaýyň üstüni basyryşmak. Goňşymyzyň towuklaryny basyryşdym. Ejeme gatyk basyryşdym.* **2**. Birnäçe bolup bilelikde basyrmak. *Ýagyşdan ätiýaç edip, olar serilen üzümiň üstüni basyryşyp ýör.*

**BASYŞ I**, *iş ady.* Basmak ýagdaýy. *Aralyk basyşlarda çägäniň gysylmagy onuň dänejikleriniň özara sürtülme güýçlerini ýeňip, biri-biriniň arasyndaky boşluklara tarap süýşüp, gysby ýagdaýa geçmegi bilen bolýar* ("Türkmenistan").

**BASYŞ II**, *at, fiz.* Bir zadyň üstüne täsir edýän güýç, zarba; gazlaryň, suwuklyklaryň maýyşgaklyk derejesi. *Basyş güýji.*

**BASYŞDYRMAK**, *işl.* **1**. Bir zadyň üstünden birnäçe gezek basyp çykmak. **2**. Birnäçe zady biri-biriniň üstüne üýşürip goýuşdyrmak. *Owradylan agaçlary bir ýerde basyşdyryp goýduk.* **3**. Birnäçe adamy türmä salmak, tutup çykmak, tussag edip çykmak.

**BASYŞMAK**, *işl.* **1**. Basmaga kömekleşmek. *Agylyň üstüne ot basyşdyk. Haltalary maşyna basyşmak.* **2**. Birtopar zadyň ýüzüni örtmek. *Hatda bu ýerde örän köp wagtdan bäri tozan basyşyp ýatan gurallar hem bar.*

**BAŞ**, *at.* **1**. Adam kellesi; her bir jandaryň kelle bölegi. *Myhman başyny galdyrdy.* **2**. San, jan sany. *Adam başyna bir çäýnek.* **3**. Ykbal, kysmat, ýazgyt, täleý, maňlaý. *Başda näme iş bolsa görmek gerek* ("Görogly"). *Näbiler sen nä iş bardyr başyňda* (Magtymguly). **4**. *göç.m.* Saç. *Ol gyz başyny darap otyrdy. Gelin başýuwluga başyny ýuwdy.* **5**. Bir zadyň ýokary ujy, süýr depesi, çür depesi. *Meret çäkmenini agajyň ýabasynda epläp goýup, çöwürmesini hem ýabaň başyndan ildirdi* (A. Durdyýew). **6**. Bir zadyň esasy. **7**. Bir zadyň öňi. *Kerweniň başy*. **8**. Ýolbaşçy, baştutan. *Baş bolmasa,*

*göwre – läş* (Nakyl). *Orda başy bolmak äre kyn bolar, Parça geýse, gyz-oglana syn bolar* (Magtymguly). **9**. Iň uly, iň esasy. *Şäheriň baş köçesinden ýöremek.* **10**. Käbir ekinleriň däneli sümmüli. *Bugdaýyň baş görkezen uçurlarydy* (A. Gowşudow). **11**. Bir zadyň daş-töweregi, ýany, degre-daşy, golaý ýany. *Guýynyň başy. Saçagyň başy. Ojagyň başy.*

◊ **Başa barmak** şowuna düşmek, amala aşmak. **Başa barmazlyk** şowuna düşmezlik, amala aşmazlyk, paşmazlyk. *Patyşa her ýurtdan tebipler getirip, muňa bir alaç etjek boldy weli, başa barmady* ("Türkmen halk ertekileri"). **Başa bela gelmek** betbagtçylyga uçramak, başa iş düşmek. *Başa bela dilden geler* (Nakyl). **Başa çykmak** äsgermezçilik edip, pisint etmän, haýsydyr bir ýaramaz hereket etmek. *Zat diýilmände-de, başa çykaýmaly däldir.* **Başa düşen towky (melamat, musallat)** artykmaç aladaly ýagdaý, başa gelen bela. **Başa gelenini görmek (çekmek)** ýagdaýa görä bolmak; ýagdaý bilen ylalaşmak, her bir ýagdaýa döz gelmek. **Başa gelmek** bir ýagdaýa sezewar bolmak, bir waka uçramak. *Başa gelenini sowsun* (Dileg). *Başa gelenini görübermeli bolar-da?!* **Baş agyrtmak 1)** ýürege düşmek, azar bermek. *Näme, başymy agyrdýaň?* **2)** özüňe onçakly dahyly bolmadyk zat barada gürrüň etmek. *Munça gürrüňleriň başyny agyrdyp nätjek?* **3)** azara galmak, alada galmak, birahatlanmak. *Aý, oglan, onuň sebäbini biljek bolup başyňy agyrdyp oturma*. **Baş agyry bolmak** hysyrdyly işe, bir derde sezewar bolmak. **Başa iş düşmek** betbagtlyga uçramak, çykgynsyz güne galmak. **Baş atmak 1)** razylyk bildirmek, makullamak, tassyklamak, yşarat etmek. **2)** baş egip, salamlaşmagyň yşaratyny etmek. *Ol çalaja başyny atdy.* **Başa ýok gün getirmek** ýadyňa-oýuňa düşmeýän zada sezewar bolmak. *Ol seniň başyňa ýok günler getirdi.* **Baş – başa, jan – jana bolmak** başagaýlyk döremek, her kim öz başyna bolmak, eden-etdilik bolmak. **Baş bermezlik 1)** terbiýä, düzgüne boýun egmezlik, aýdylana-diýlene gulak asmazlyk, nesihat almazlyk, başyna gitmeklik. **2)** tabyn bolmazlyk. **Baş bolmak** ýolbaşçylyk etmek, ýol görkeziji bolmak, yzyňa eýertmek. **Baş çykarmak** her bir zady seljerip, oňa akyl ýetirip bilmek; başarmak. **Baş dalaşmak** birinden kem galmajak bolup hereket etmek, gidişmek. *Onuň bilen baş dalaşsaň, soňy gowulyk bilen gutarmaz, utularsyň*. **Başdan geçirmek (geçmek)** bir ýagdaýa duş bolmak, sezewar bolmak, durmuş wakasyny gözüň bilen görüp, egniň bilen çekmek. **Başdan sowma etmek** bir zadyň jogapkärçiligini, aladasyny, hysyrdysyny öz üstüňden aýyrmak, birinden, bir zatdan dynmak. **Baş egmek 1)** tagzym etmek, eglip salam bermek. **2)** tabyn bolmak, boýun bolmak. *Çakyluksyz "myhmana" baş egen arçynyň saýasynda saýalandan, bürgüt penjesinde galanyny ol ybaly saýýardy* (B. Kerbabaýew). **Baş gaçyrmak** ýüz öwürmek, gaça durmak. *Zöhre: – Tahyrsyz dünýä maňa gerek däl – diýip, Garabatyrdan baş gaçyrýar* (H. Çaryýew). **Baş galdyrmak 1)** üns bermek, pikirlenmek, oýlanmak, bir zadyň aladasyny etmek. *Her kim öz işi bilen gümra bolup, gelene-gidene baş galdyrýan ýok diýen ýalydy.* **2)** *ser.* **Baş götermek**. **Baş goşmak** biri ýa-da bir zat bilen iş salyşmak, bir işe girişmek, meşgullanmak. *Namart bilen uzak ýola gitmegil, Baş goşawer bir töwekgel mert bilen* (Magtymguly). **Baş görmezlik** müngi görmedik, baş öwrenmedik. **Baş götermek** närazyçylyk bildirip aýaga galmak, garşylyk görkezmek, gozgalaň turuzmak. **Baş öwretmek 1)** münmäge, işe endik etdirmek (mal hakynda). *Hem daýymlara barýaryn, hem taýyma baş öwredýärin* (Nakyl). **2)** tälim, terbiýe bermek, ýol görkezmek, ýola salmak. **Baş saglygy** jan saglygy. *Adamlaryň baş saglygy XXI asyryň – Türkmeniň Altyn asyrynyň berk binýady bolar* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr"). **Baş salmak** gelen gününiň ertesi irden gelniň gyz tahýasyny aýryp, başyna gyňaç daňmak. **Baş urmak** *ser.* **Baş goşmak**. **Baş üstüne** lepbeý, hyzmata taýýar. *Baş üstüne, ýoldaş başlyk, näme işiňiz bolsa buýruň!* (A. Durdyýew). **Başy asmana (göge) ýetmek** bir zatdan göwni hoş bolmak, örän gaty begenmek. **Başy bagly** adamsy bar bolan, ärli ýa-da adaglanan, adagly (gyz, aýal hakynda). *Ol gyzyň başy baglylygy patyşa mälim bolansoň, ol ony oglunyň almagyna rugsat bermedi* ("Türkmen halk ertekileri"). **Başy bilen bermek** yzyna gaýdyp almazlyk şerti bilen bermek, başbitin bermek, bagyş etmek. *Kitabymy oňa başy bilen berdim*. **Başy bir bolmak** jem bolmak, toplanmak, ýygnanmak. **Başy birikmek 1)** bir ýere ýygnanmak, toplanmak, jem bolmak. *Az salymdan oglanlaryň barysynyň başy birikdi.* **2)** maşgala durmuşyny gurmak, är-aýal bolup ýaşap başlamak. **Başy birikmezlik** bir ýere ýygnanmazlyk, toplanmazlyk, jem bolmazlyk. **Başy bölünmezlik** bir zadyň ujundan hiç zat alynmazlyk, almak üçin ellenmezlik, degilmezlik. *Bazardan maňa getiren zatlaryň heniz başy bölünmän dur.* **Başy çatylmak** biri-birine duşmak, başy birikmek. *Iki adamyň başy çatylsa, şondan başga gürrüň bolmady*. **Başy çykmak** her bir zady başarmak. *Onuň sazdan hem başy çykýar*. **Başy gök diremek** bir zatdan göwni hoş bolmak, begenmek. **Başyna ala ýabylynyň gününi getirmek (salmak)** enter-pelegini öwürmek, baş alyp çykar ýaly etmezlik. **Başyna belany satyn almak** bir işe goşulyp, öz meýliň bilen çoçgara çolaşmak, goha, dawa-jenjele goşulmak. **Başyna Esen-Söýüniň (Hasan-Hüseýniň) gününi getirmek (salmak)**. *ser.* **Başyna**

**ala ýabylynyň gününi getirmek (salmak)**. **Başyna düşmek** bir zady etmek, ýerine ýetirmek borjy miýesser bolmak. *Gelin alyp berenimizden soň, eklenç başyna düşenini biler* (A. Durdyýew). **Başyna gitmek** özbaşdaklyk etmek, bibaş bolmak, edep-ekramy saklamazlyk. **Başyna goýbermek** edenine däl diýmezlik, öz ugruna, öz ygtyýaryna goýbermek, läliksiretmek. *Ony oglanlykdan başyna goýberdiler*. **Başyna gören ýaly bolmak (bitmek)** örän köp hasyl getirmek. *Ekinler başyna gören ýaly bitipdir, garpyzymyz dagy gyryň daşy ýaly* (N. Esenmyradow). **Başyna oýun getirmek (salmak)** öz gününe goýmazlyk, azar bermek, enter-pelegini öwürmek. *Hilegärlik bilen geçip daşyma, "Sallah men" diýip, oýun saldy başyma* (N. Annagylyjow). **Başyna ýetmek** bir zadyň ýa-da biriniň ölmegine, ýok bolmagyna sebäp bolmak. **Başyndan aýlap urmak** bütinleý dynmak, owarram etmek. **Başynda tüweleý turmak** howsala düşmek, uly alada galmak, dürli gapma-garşy pikirlere sezewar bolmak, gowga uçramak. *Heşelle kakýardyň onuň daşynda, Tüweleý turýardy gyzyň başynda* (A. Kekilow). **Başyny almak** ýok etmek, öldürmek. *Her wagt hem muny iline ýetirmän başyny almaga wagt tapylar* ("Görogly"). **Başyny alyp durmazlyk** adamyň ýagşy güni-de, ýaman güni-de hemişelik däldir, hemme zat wagtlaýyndyr. **Başyny alyp çykmak** kynçylykdan, çarkandakdan çykmak, dynmak, sypmak. **Başyny alyp oturmak** agyr hassanyň ýanyndan aýrylmazlyk. **Başyny aşak salmak** bir zat hakda oýa batmak, pikir etmek, oýlanmak; sussuň pes bolmak. *Başyny aşak salyp, dilini ýarman otyrdy* (A. Gurbanow). **Başyny aýlamak 1)** hassa etmek, bimar etmek. *Çilim onuň başyny aýlapdyr.* **2)** aldawa salmak, mekirlik etmek, eýdip-beýdip razylyk almak, yrmak. **3)** alada goýmak, näme edip, näme goýýanyny bilmezlik, aljyratmak. **Başyny bogmak** gyzy durmuşa çykarmak. **Başyny çaramak** öz-özüni oňarmak, her bir ýagdaýdan özi baş çykarmak, baş alyp çykmak. *Oglumyzam çagalykdan saýlanypdyr, indi öz başyny çararça bolan bolsa gerek.* **Başyny çekmek 1)** aty, eşegi we ş.m. duruzmak, togtatmak, saklamak. **2)** bir işe baş bolmak, öňbaşçysy bolup alyp barmak. **Başyny çişirmek** ýadatmak, halys etmek. *Hojam aganyň gürrüňi hem Pökgeniň halys ýüregine düşdi, başyny çişirdi* (A. Gowşudow). **Başyny goýmak** janyňdan geçmek, gurban bolmak, ölmek. *Olar söweş meýdanynda başyny goýdular.* **Başyny-gözüni aýlamak** hile, pirim bilen boýun egdirmek, aldawa salyp yrmak, göwnetmek. **Başyny iýmek** ýok bolup gitmegine, ölümine sebäp bolmak, ýok etmek; halys çykgynsyz güne salmak. **Başyny jemlemek** bir ýere ýygnamak, toplamak, jem etmek. *Aksakallara agşamara adamlaryň başyny jemlemek başartdy*. **Başyny sypamazlyk** nädogry hereketini makullamazlyk. *Hiç kim onuň başyny sypamaýardy* (B. Kerbabaýew). **Başyny tutmak** ser. **Toýuň başyny tutmak**. **Başyňa ahyrzaman (kyýamat) inmek** howply ýagdaýa uçramak, janyň howp astynda galmak, betbagtçylyga sezewar bolmak. **Başyňa çekmek** bir bada içmek, içip goýbermek. **Başyňa döneýin** "başyňa gurban bolaýyn" manysynda gürrüňdeşiňe ýüzugra söýgiňi bildirmek üçin aýdylýan söz. *Başyňa döneýin, senem ilden kem dälsiň, gowy okasaň bolmaýarmy?!* **Başyňa iş düşmek** agyr, çykgynsyz ýagdaýa düşmek. **Başyň aýlanmak 1)** serhoşluk halyna ýeteňkirlemek, kelläň aýlanmak. *Yssy onuň başyny aýlady.* **2)** özüňi ýitirip ugramak, huşuň gidip başlamak. **Başyň çaşmak** özüňi ýitirmek, aljyramak, aňkaň aşmak. **Başyňdan gum sowurmak 1)** jan edip işlemek, gara der saçyp zähmet çekmek, gara iş bilen güzeran dolamak. *Öňler başymyzdan gum sowrup işlesegem, gazananymyz bezenenimize ýetmeýärdi.* **2)** bir işi ýa-da başga bir zady şerraýlyk bilen boýun almazlyk, haýýarlyk etmek, nadaralyk etmek. **Başyňdan huşuň uçmak** aljyraňňy ýagdaýda bolmak, aljyraňňylyk aralaşmak; ýatkeşligiňi ýitirmek. *Bularyň huşlary başyndan uçup, endamlaryna titreme düşüp, depelerinden gyzgyn suw guýlan ýaly bolup, depe saçlary üýşüp başlan* ("Türkmen halk ertekileri"). **Başyň dik bolsun!** "saglyk, abadanlyk bilen ýaşa, jan saglygyňda işläp ýörmek nesip etsin!" diýen manydaky alkyş sözi. *Başyňyz dik bolsun, ruhuňyz belent bolsun, hormatly ýaşlar!* **Başyň garjaşmak** pikiriň bulaşmak, ederiňi bilmezlik, başyň çaşmak. **Başyňy alyp gitmek** bütinleýin çykyp gitmek, hemişelik öýüňi, maşgalaňy we ş.m. terk etmek. **Başyňy bela sokmak** oňaýsyz, bet işe baş goşmak, ýaman ýagdaýa ulaşmak. *Öz başyňy bela sokmak gerek däldi.* **Başyňy dik (belent) tutmak** mert bolmak, kynçylyga ýan bermezlik, mertebäňi saklamak. **Başyňy etegiňe salmak** işi bitirmek üçin başyňy goýmaga kaýyl bolmak. *Kyýamatlyk ogul diýip, başyňy etegiňe salyp barýaňmy?* ("Görogly"). *Başyny etegine salyp gelen adama gan algyň bolsa-da geçilýändir* (B. Kerbabaýew). **Başyňy galdyrmak** hassalykdan sagalyp başlamak. *Bir aý syrkawlap ýatyp, indi birneme başymy galdyrýaryn.* **Başyňy gutarmak** bir howpdan, agyr ýagdaýdan halas bolmak, gutulmak. *Senden medet ýetişmese, ýa Jepbar! Bu beladan baş gutarmak haçan bar* (Magtymguly). **Başyňy satyn almak** her edip, hesip edip sypmak, her hili ýol bilen gutulmak. **Başyňy ýitirmek** başagaýlyga düşmek, aljyraňňy bolmak, baş çykaryp bilmezlik. **Başyň ýassyga ýetmek** hassa bolmak, syrkawlamak, näsaglap ýatmak. **Baş ýaýkamak 1)** närazylyk

bildirmek, makul bilmezlik. **2)** ahmyr çekmek, puşman etmek.

**BAŞ** [ba:ş], *at,lukmanç*. Käbir beden öýjügine zyýan ýetmegi zerarly döreýän ýara. *Atgulagyň köküni owradyp, hapgyrtmalyň boýnuna daňsaň, peýdasy deger. Ol ýara ýa-da başa ýapylsa-da peýdaly* ("Türkmenistan").

**BAŞA-BAŞ** [başa-vaş], **1**. Ýekme-ýek, iki sany garşydaşyň arasynda bolup geçýän (söweş). **2**. Bir zadyň özüni başga bir zadyň ýerine (çalyşma, alyşma). *Ony her bir sözüniň özi bir düýä degip duran zat bilen başa-baş çalyşdym* (N. Saryhanow).

**BAŞAGAÝ** [başağaý], *syp.* **1**. Iş-alada bilen ýetişiksiz ýagdaýda aljyrap ýören, aljyraňňy. *Gazaply sowuk çopanlary başagaý güne saldy.* **2**. Bir zadyň aladasy bilen gümra. *Ol şol mahal horjundan zat çykarmak, tertibe salmak işi bilen başagaý balany üçin ol ýigidiň ýüzüne bir alarylyp seretdi we hiç zat diýmän dymdy* (A. Gowşudow).

**BAŞAGAÝÇYLYK** [başağaýçylyk], *ser.* **Başagaýlyk**. *Şunuň ýaly halatlarda her hili başagaýçylygyňda üstünden barmagyň mümkin* (K. Berdiýew).

**BAŞAGAÝLYK** [başağaýlyk], *at.* Başagaý halda bolmaklyk. *Bu sorag ony başagaýlyga saldy. Alkymyndan çykan bu sorag ony başagaýlyga saldy* (R. Gelenow).

**BAŞAGAÝRAK** [başağaýra:k], *syp.* Azda-kände başagaý. *Onuň özi bir hemişe başagaýrak adamdy.*

**BAŞAM: başam barmak** eliň, aýagyň ilkinji ýogyn barmagy. *Başam barmak baş getir, Süýem barmak süýt getir, Ogulhajat ok atar, Külembike kül atar* (Sanawaç).

**BAŞARJAŇ**, *syp.* Işe ukyply, iş oňaryp bilýän, başarnykly, gaýratly, iş bitirip bilýän.

**BAŞARJAŇLYK**, *at.* Başarjaň bolmaklyk, başarnyklylyk. *Olar iň häzirki zaman uçuş tehnikasyna başarjaňlyk bilen erk edýändiklerini görkezdiler* ("Türkmenistan").

**BAŞARMA**, *iş ady.* Başarmak ýagdaýy.

**BAŞARMAK**, *işl.* Işi oňaryp bilmek, bir zadyň ýa-da işiň hötdesinden gelip bilmek. *Türkmen dünýäde gaýşaryp gezip, durmuşa-döwrana öz sözi, öz gözi bilen bakmagy başaran buýsanjaň, belent ruhly millet bolupdyr* ("Türkmenistan").

**BAŞARMAKLYK**, *iş ady.* Başarmak ýagdaýy.

**BAŞARMAZLYK**, *iş ady.* Başaryp bilmezlik, bir işiň hötdesinden gelip bilmezlik.

**BAŞARNYK**, *at.* Bir işi ýerine ýetirmegi başarmaklyk ukyby. *Her kimiň başarnygyna laýyk edýän işi öz göwnüne gowudyr* (A. Gowşudow).

**BAŞARNYKLY**, *syp.* Her bir işi ökdelik bilen başarýan, oňarýan, başarjaň, ukyply. *Başarnykly adam.*

**BAŞARNYKLYLYK**, *at.* Başarnygy barlyk.

**BAŞARNYKSYZ**, *syp.* Başarnykly däl, başarnygy ýok.

**BAŞARNYKSYZLYK**, *at.* Başarnygy ýokluk, başarnygy bolmazlyk, iş oňarmazlyk, başarjaň dällik, işiň ebeteýini bilmezlik.

**BAŞARTMAK**, *işl.* Bir işiň hötdesinden gelmäge başarnygy ýetmek. *Maňa gijäniň ýaryna çenli okap oturmak başardyp baranok.*

**BAŞARYŞ**, *iş ady.* Başarmak ýagdaýy. *Bu işi biriniň başaryşyça başararyn*.

**BAŞAŞA** [başa:şa], *hal.* Birini geçirip ýa-da boş goýup, ikinjisinden başlap. *Başaşa ekilen alma bilen garaly. Goşgynyň bendiniň setirleri başaşa kapyýalaşýar.*

**BAŞAŞAK** [başaşa:k], *hal.* Ýokary tarapyny aşak edip, aşaklygyna. *Siz meni guýa sallajak bolsaňyz, onda başaşak sallaň!* ("Türkmen halk ertekileri").

**BAŞAŞAKLYGYNA** [başaşa:klyğna], *hal.* Başaşak ýagdaýdaky görnüşde.

**BAŞAŞYR** [başa:şyr], *hal.* Degmän, bir zadyň ýa-da biriniň üstaşyr, kellesiniň üstünden.

**BAŞATGYÇ**, *at.* Aýallaryň bürenmek üçin başyna atynýan çabyt şekilli atgyjy, bürenjek we ş.m.

**BAŞ-BAŞDAK** [baş-vaşdak], *syp.* Her kim öz başyna, başly-barat, özbaşdak, baş – başa, jan – jana.

**BAŞ-BAŞDAKLYK** [baş-vaşdaklyk], *at.* Her kim öz başyna, başly-barat ýagdaýda bolmaklyk, tertipsizlik. *Baş-başdaklyk bolmaz ýaly, her kime belli bir ýumuş tabşyryldy.*

**BAŞBILT** [başvilt], *at, gepl.d., ser.* **Pasport 1**.

**BAŞBITIN** [başviti:n], *hal.* Diri, sag-salamat, ölüm-ýitimsiz.

**BAŞBOGY** [başvoğy], *at, ser.* **Başdaňy**. *Ol gözüniň ýaşyny başbogusynyň ujy bilen süpürdi.*

**BAŞBOZAR** [başvozor], *syp.* Baş-başdaklyk döredýän, başbozarlygyň başyny başlaýan, bozgakçylygyň döremeginiň sebäpkäri.

**BAŞBOZARÇYLYK** [başvozorçuluk], *at,ser.* **Başbozarlyk**.

**BAŞBOZARLYK** [başvozorluk], *at.* Başbozar gylyklylyk; baş-başdaklyk döretmeklik, bidüzgünlik.

**BAŞBÜTIN** [başvütüýn], *hal, ser.* **Bütinleý**.

**BAŞBÜTINLEÝIN** [başvütüýnlöýün], *hal, ser.* **Bütinleýin**.

**BAŞÇY** [başşy], *at, gepl.d.* Ýolbaşçy. *Müň işçiden bir başçy* (Nakyl).

**BAŞDA**, *hal.* **1**. Öň hatarda, öňde. **2**. Ilki bilen, ilki bada, ozaly bilen, iň ilki, başdan.

◊ **Başda durmak** ýolbaşçylyk etmek, ýolbaşçy bolmak.

**BAŞDAN**, *hal.* **1**. *ser.* **Başda.** *Başdan gerek ýar ýigide, Dost tapylmaz dar ýigide* (Magtymguly).

**2**. Başlanýan ýerinden, başlangyç nokadyndan. *Ol goşgyny başdan gaýtalady.*

**BAŞDAN-AÝAK**, *hal.* **1**. Başyndan ahyryna çenli, başlanýan döwründen gutarýan döwrüne çenli. *Ol başdan-aýak gurluşykda işledi* (B. Seýtäkow). **2**. Bütinleý, başbütin, tutuşlygyna, büs-bütin, hemmesi. *Ol gyzy başdan-aýak synlap, onuň ýüzüne ýiti-ýiti seretdi.*

**BAŞDANSOWMA** [başdansowmo], *syp.* Göwünli-göwünsiz, ýüzleý, ýarym-ýalta, bolar-bolmaz. *Çaganyň soragyna başdansowma jogap bermeli däl.*

**BAŞDANSOWMALYK** [başdansowmoluk], *at.* Göwünli-göwünsizlik, ýüzleýlik. *Bu meselede başdansowmalyk etmek bolmaz.*

**BAŞDAŇY**, *at.* Aýallaryň başlaryna daňynýan gyňajy, başbogy.

**BAŞDAŇYLYK**, **1**. *syp.* Başdaňy eder ýaly (mata, ýaglyk we ş.m. hakynda). *Ol başdaňylyk ýaglyk satyn aldy.* **2**. *at.* Başdaňy edilýän ýaglyk, gyňaç.

**BAŞDAŞ**, *syp., at.* Erkek adamyň ilki öýlenen aýaly ýa-da aýalyň ilki durmuşa çykan adamsy.

**BAŞGA** [başğa], *syp.* **1**. Özge, keseki; özi däl. *Başga biri.* **2**. Öňküden aýry, üýtgeşik. *Ol indi düýbünden başga adam.* **3**. Ýene, ýene-de. *Suwçy başga-da gerek-ýarak zatlary ýanyna aldy*.

**BAŞGA-BAŞGA** [başğa-vaşğa], *syp.* Biri-birinden tapawutly, üýtgeşik-üýtgeşik, aýry-aýry, dürli-dürli. *Bularyň gylyklary başga-başga bolsa-da, durmuşa düşünişleri bir bolara çemeli* (B. Kerbabaýew).

**BAŞGAÇA** [başğaça], *hal.* Başga hili, öňküsinden aýry, başga tüýsli, üýtgeşik. *Başgaça pikirlenmek.*

**BAŞGALABERMEK** [başğala:vermek], *işl.* Başgalap ugramak.

**BAŞGALAMA** [başğalama], *iş ady.* Başgalamak ýagdaýy.

**BAŞGALAMAK** [başğalamak], *işl.* **1**. *ser.* **Aýyrmak**. *Öýleneninden bir ýyl geçenden soň, onuň üstüne öý tutup, rysgyny başgaladylar.* **2**. Üýtgetmek, çalşyrmak, täzelemek. *Hemra kimin başgalasam ilimi, Duşsam Saýat han dek güle, söwdügim* (Baýly şahyr).

◊ **Ýurduny başgalamak** aradan çykmak, ölmek.

**BAŞGALAMAKLYK** [başğalamaklyk], *iş ady.* Başgalamak ýagdaýy.

**BAŞGALYK** [başğalyk], *at.* Meňzeş dällik, aýrylyk, özgelik. *Seniň pikiriň bilen meniň islegimiň biri-birinden başgalygy, biri-birine jebis gelmejegi belli* (B. Kerbabaýew).

**BAŞGAP** [başğa:p], *at.* Kellä geýilýän zatlaryň umumy ady.

**BAŞGYRT** [başğyrt], *at, ser.* **Başgyrtlar**. *Başgyrt dili.*

**BAŞGYRTLAR** [başğyrtlar], *at.* Başgyrdystanyň ýerli ilaty.

**BAŞKY**, *syp.* Başlanýan döwürdäki, başlangyçdaky, ilkinji, birinji, başdaky. *Ýazyň başky günleriniň biridi.*

**BAŞLABERMEK** [başla:vermek], *işl.* Başlamaga girişmek.

**BAŞLAMA**, *iş ady.* Başlamak ýagdaýy.

**BAŞLAMAK I**, *işl.* **1**. Bir işi, gullugy, wezipäni, hereketi ýerine ýetirmäge girişmek. *Başlady gyz, başlady Suwa monjuk taşlady* (Monjugatdy). **2**. Bir hereketiň, ýagdaýyň başlangyç nokady bolmak. **3**. Hal işliginiň we ýöneliş düşümdäki sözüň yzyndan gelip, düzümli işligi emele getirýär. *Iňrik garalyp başlady. Okap başlamak.*

◊ **Başyny başlamak** bir işe ilkinji bolup girişmek.

**BAŞLAMAK II**, *işl.* Başa durmak (bugdaý, arpa, süle we ş.m. däneli ösümlikler hakynda). *Bugdaý eýýäm başlapdyr.*

**BAŞLAMAKLYK**, *iş ady.* Başlamak ýagdaýy.

**BAŞLAMAZLYK**, *iş ady.* Bir işe girişmezlik, okap, ýazyp, ýygyp, ylgap we ş.m. işi, hereketi edip ugramazlyk.

**BAŞLANGYÇ** [başlanğyç], *at.* **1**. Bir wakanyň, ýagdaýyň ilkinji ýüze çykan, başlanan döwri, ilkinji pursady, başlanan nokady. *Ol muny tanyşlygyň başlangyjy hasap etdi*. **2**. Bir zady amala aşyrmagyň görelde bolarlyk usuly. *Göwnüňden turýan her bir başlangyjy hemişe gutlamak gerek* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Başlangyç bilim** ilkinji alnan sowat, bilim. **Başlangyç mekdep** ilkinji bilim berýän, ilkinji sowat öwredýän mekdep.

**BAŞLANMAK**, *işl.* **1**. Bir işe, herekete girişilmek, ýerine ýetirilip ugralmak, iş ýüzüne geçirilmek. *Baýramçylyk çäreleri başlanýar.* **2**. Ilkinji alamatlar peýda bolmak. *Ýyly günleriň başlanmagy bilen köp sanly mör-möjekler hem gyş ukusyndan oýanyp ugradylar.*

**BAŞLAŞMAK**, *işl.* Bir işe, herekete girişmäge kömekleşmek. *Keçe basmaga başlaşmak.*

**BAŞLATDYRMAK**, *işl.*, *ser.* **Başlatmak**.

**BAŞLATMAK**, *işl.* Başlamak işini başga birine etdirmek. *Jaýyň gurluşygyna başlatmak.*

**BAŞLAÝYŞ**, *iş ady.* Başlamak ýagdaýy. *Ýygyma başlaýşymyz irräk dälmikä?*

**BAŞLY**, *syp.* Başy bar bolan. *Çal başly gojaman Köpetdagyň eteginden gaýnap çykýan ser çeşmeleriň iň gözelleriniň hem şöhratlylarynyň biri-de Arçman çeşmesidir* ("Edebiýat we sungat").

**BAŞLY** [ba:şly], *syp.* Endamyna baş çykan. *Kellesi başly oglan.*

**BAŞLY-BARAT** [başly-vara:t], *syp.* Ugur-utgasy ýok, ugursyz; baş-başdak, tertipsiz. *Olaryň başlaryndan başly-barat pikirleri şemal degen akbaş tozgasy ýaly tozady, orunsyz ökünçler sowuldy* (B. Kerbabaýew). *Başly-barat salnan jaýlar.*

**BAŞLY-BARATLY** [başly-vara:tly], *syp., ser.* **Başly-barat**.

**BAŞLY-BARATLYK** [başly-vara:tlyk], *at.* Ugur-utgasy ýokluk, ugursyzlyk; baş-başdaklyk, tertipsizlik.

**BAŞLYK I**, *at.* **1**. Maslahatyň, ýygnagyň, guramanyň, edaranyň we ş.m. saýlanan ýa-da bellenen ýolbaşçysy, baştutany. **2**. Umuman, ýolbaşçylyk edýän adam. *Oglanlaryň ekabyrragynyň biri başlykdy.*

**BAŞLYK II**, *at.* **1**. Ädigiň gonç bilen burun aralygyna tikilýän bölegi, ýüz tarapy. *Bir müň köwüş, ädik kümüş başlykly* (Kätibi). **2.** Elde örülýän joraplaryň barmaklary örtýän tarapy.

**BAŞLYK III**, *at.* Gelnalyjy gidilende, düýäniň boýnunyň üsti bilen kellesine atylýan gurnama bezeg, düýebaşlyk.

**BAŞLYKLAÝYN**, *hal.* Biriniň hereketi oňlanman, onuň öňe saýlanmagy ýaňsa alnyp aýdylýan söz. *Görogly başlyklaýyn uklap galypdyrlar* ("Görogly").

**BAŞLYKLYK I**, *at.* Başlygyň wezipesi, ýolbaşçylyk, baştutanlyk. *Ol köp ýyllap edara başlyklyk edipdir.*

**BAŞLYKLYK II**, *syp.* Ädige başlyk etmek üçin niýetlenen çig mal (gaýyş we ş.m.). *Başlyklyk gön.*

**BAŞSYZ**, *syp.* **1**. Kellesi ýok, kellesiz. **2**. Baştutany bolmadyk, ýolbaşçysyz. *Düzük bolmaz başsyz ilde, Ner bolsa, ýük galmaz çölde* (Aşyky). **3**. *göç.m.* Akylsyz, akyly ýeterlik bolmadyk.

**BAŞTUTAN** [baştuton], *at.* **1**. Köpçülige ýolbaşçylyk edýän adam. *Döwlet baştutany.* **2**. Haýsyda bolsa bir toparyň, hereketiň başlygy, ýolbaşçysy. **3**. Hojalygyň, maşgalanyň ýaşulusy, aksakgaly. *Maşgalanyň baştutany.*

**BAŞTUTANLYK** [baştutonluk], *at.* **1**. Bastutanyň wezipesi. *Uly edara baştutanlyk etmek.* **3**. Hojalygyň, maşgalanyň ýaşulusy, aksakgaly bolmaklyk.

**BAŞUÇ** [başu:ç], *at.* Ýatan adamyň baş, kelle tarapy. *Gije ýatyrdym welin, başujumda bir şakyrdy boldy* ("Türkmen halk ertekileri"). *Ol geçi baryp bir mazaryň başujunda çekredi* ("Görogly").

**BAŞYBOŞ** [başyvoş], *syp.* Ärsiz, dul (aýal).

**BAŞYBOŞLUK** [başyvoşluk], *at.* Dulluk, ärsizlik, adamsy ýokluk.

**BAŞÝUWLUK**, *at.* Gelin-gyzlaryň saçyny ýuwmak üçin niýetlenen gatyk, çal.

**BAT** [ba:t] **I**, *at, şahyr.***1**. Ýel, şemal. *Bat ösdi, bulut aýlandy, Belent daglar duman boldy* ("Şasenem – Garyp"). *Tütünim bada berip, buluda gardy meni* (Magtymguly). *Söz aýtsam Sapar şanyna Bir öwsen batça bolmady* (Zynhary). **2**. *lukmanç.* Ýel keseli. *Munuň böwründe gypjynmadan galan bat bar* (B. Kerbabaýew).

**BAT** [ba:t] **II**, *at.* **1**. Bir işi ýerine ýetirmek üçin edilýän hereketiň güýji, depgin. *Barmaklaryň bady barha artdy, tamdyra owazlanyp başlady. Baýlyda joş urýar şahyrlyk bady, Sylagyn ulyny, ýakyny-ýady* (Baýly şahyr). **2**. Maşynyň, otlynyň we ş.m. tizligi, çaltlygy. *Maşyn badyny artdyrdy*. **3**. *gepl.d., ser.* Hiňňillik.

◊ **Bady gaçmak (gowşamak, ýatmak)** birneme güýji peselmek, hereketi kemelip başlamak; haýbaty peselmek. *Otlynyň bady gowşady*. **Bat almak** bäş-alty ädim ylgap, bar güýjüňi tijemek. *Ol topy bat alyp depdi*. **Bat bermek** bir zadyň badyny güýçlendirmek, hereketini güýçlendirmek. *Sen sesiňe bat berme*!

**BATAŇKYRLAMAK**, *işl.* Batmak derejesine golaýlamak.

**BATBÖREK** [ba:tbörök], *at.* Bir tagta kagyzyň ýüzüne ýuka agaç bölejigi atanaklaýyn ýelmenip, ujuna uzyn ýüplük berkidilip, howada uçurylýan çaga oýnawajy.

**BATGA** [batga], *at.* Ýagyn ýagyp ýa-da suw basyp, emele gelen lüýk ýer. *Ýol batga, kä ýerde maşyn taýýar, kä ýerde batýar.*

**BATGALANMAK** [batgalanmak], *işl.*Ýagyn ýagmak, suw gitmek we ş.m. sebäpli batga bolmak, batgalyga öwrülmek. *Ýer kem-kemden batgalandy.*

**BATGALYK** [batgalyk], *at.* Emele gelen lüýk palçykly ýer, batgaly ýerler. *Kerweniň barýan ýeri batgalykdy*.

**BATGYN** [batgyn], *syp.* Ýöremesi kyn, ürgün çägeli, gumsalt. *Aýagyň aşagyndan süýşüp barýan batgyn çägede ýöremek kyndy.*

◊ **Batgyn ýagyş** yzy üzülmän, siňňin ýagýan ýagyş. *Batgyn ýagyşdan soň mazaly ýumşan şüdügär ýerler görke girip başlady.*

**BATLANDYRMAK** [ba:tlannyrmak], *işl.* **1**. Badyny artdyrmak, hereketini güýçlendirmek, depginini ýokarlandyrmak. *Sürüji maşynyň tizligini batlandyrdy.* **2**. Öňküsinden gataltmak, güýçlendirmek (ses hakda). *Ol soňky sözlerini has-da batlandyryp aýtdy*.

**BATLANMA** [ba:tlanma], *iş ady.* Batlanmak ýagdaýy.

**BATLANMAK** [ba:tlanmak], *işl.***1**. Bady artmak, hereketi güýçlenmek, depgini ýokarlanmak. *Batlan, daragym, batlan!* **2**. Gatalmak, güýçlenmek, batly çykmak (ses hakynda). *Bagşynyň sesi barha batlandy.*

**BATLANMAKLYK** [ba:tlanmaklyk], *iş ady.* Batlanmak ýagdaýy.

**BATLANMAZLYK** [ba:tlanmazlyk], *iş ady.* Bat almazlyk.

**BATLANYŞ** [ba:tlanyş], *iş ady.* Batlanmak ýagdaýy.

**BATLY** [ba:tly], *syp.* **1**. Bady artan, hereketi güýçli, depgini ýokary, güýçli. *Daragyň sesi batly ýaňlanýar*. **2**. Gaty, haýbatly, güýçli. *Batly ses.* **3**. Çalt.

*Atlaryň başyny gündogara öwrüp, has batly sürüp gitdiler.*

**BATLY-BATLY** [ba:tly-va:tly], *syp.* Gaýta-gaýta bat bilen, has güýçli. *Goşa çynaryň düýbünde iki sany gartaşan sazanda başlaryny batly-batly silkäp, joşup saz çalýardy* (G. Kulyýew).

**BATLYLYK** [ba:tlylyk], *at.* **1**. Bady barlyk, batsyz dällik, batly bolmaklyk. **2**. Haýbatlylyk, haýbaty güýçlülik.

**BATMA**, *iş ady.* Batmak ýagdaýy.

**BATMAK I**, *işl.***1**. Gark bolmak, suwuň düýbüne gitmek, çökmek (gämi, gaýyk hakynda). *Ol özüni batyp barýan gäminiň üstünde duran ýaly duýupdy*. **2.** Çümmek, dürtülmek. *Aýaga tiken batmak.* **3**. Batga girip, çykmasy kyn ýagdaýa sezewar bolmak. *Suw çekýän maşyn batyp galypdyr. Çägä batmak. Batga batmak.* **4**. Bürelmek, örtülmek. *Meniň ballym ýatypdyr, Gyzyl güle batypdyr* (Hüwdi). **5**. Maddy taýdan uly zyýan çekmek. **6**.Hapa zat ýokmak, degmek, çyrşalmak. *Çagajygyň eli hapa palçyga batypdyr.*

◊ **Maňzyňa batmak** *ser*. **Maňyz**. *Onuň her bir sözi maňzyňa batýar.* **Uka batmak** *ser*. **Uky**. **Gama batmak** göwnüçökgün bolmak, ruhy taýdan gaty ejizlemek. **Pikire batmak** oýlanmak, pikirlenmek.

**BATMAK II**, *işl.* Gözýetimden ýitmek, ýaşmak (Gün, Aý, ýyldyz ýaly asman jisimleri hakda). *Ömrüzaýa ýyldyz kimin bataýyn, Şu ýerlerde hiç durarym ýok meniň* (Halk aýdymyndan).

**BATMAKLYK**, *iş ady.* **1**. Batmak ýagdaýy. **2**. *täjir*. Bergidaryň algydarlaryň pul borçnamalary boýunça bildirýän talaplaryny doly möçberde kanagatlandyrmaga ýa-da hökmany tölegleri tölemek boýunça borçlaryny berjaý etmäge juda ukypsyzlygy. *Bergidar özüni batyp galan diýip meýletin yglan edenden soň ýa-da ony kazyýet üzülişmäge gurby çatmaýan diýip ykrar edenden soň, ol batyp galdy diýlip hasap edilip bilinýär.*

**BATMAN [**ba:tman**]**, *at.* Ýigrimi kilograma barabar bolan agyrlyk ölçegi. *Bir batman jöwen. On batman bugdaý.*

**BATMANLYK** [ba:tmanlyk], *syp.* Batmana deň bolan, batman ölçegi bilen ölçelýän. *Iki sany bäş batmanlyk çuwal alyp, harmany iki ýerden paýlamaga durdular* (B. Kerbabaýew).

**BATMAZLYK**, *iş ady.* Batmak derejesine ýetmezlik, batyp durmazlyk.

**BATNYK**, *at.* Edilýän hereketiň, aýdylýan sözüň jaýdarlygy, ýerlikliligi; ýakym. *Onuň hiç batnygy ýok. Onuň sözünde batnyk ýok.*

**BATNYKLY**, *syp.* **1**. Maňzyňa batýan, jaýdar, ýerlikli. *Onuň sözleri batnykly ýaly bolup başlady* (H.Garabaýew).

**BATNYKLYLYK**, *at.* Göwne jaýdarlyk, ýerliklilik.

**BATNYKLYRAK** [batnyklyra:k], *syp.* Birneme batnykly, az-kem batnygy bolan. *Birneme batnyklyrak bolsaň gowy bolar.*

**BATNYKSYZ**, *syp.* Batnygy ýok, ýakymsyz, suwjuk, ýerliksiz.

**BATNYKSYZLYK**, *at.* Batnygy ýokluk, batnykly dällik, ýakymsyzlyk, suwjuklyk, ýerliksizlik.

**BATNYKSYZRAK** [batnyksyzyra:k], *syp.* Az-kem batnyksyz, azda-kände batnyksyz.

**BATRAK** [batyrak], *at, taryh.* Barly adamyň hojalygynda işleýän hakyna tutma daýhan. *Bir batrak bir baýyň gyzyna aşyk bolupdyr* (Ertekiden).

**BATRAKÇYLYK** [batyrakçylyk], *at, taryh. ser.* **Batraklyk**.

**BATRAKLYK** [batyraklyk], *at, taryh.* Batragyň ýagdaýy, käri, batrakçylyk.

**BATYBERMEK** [batyvermek], *işl.* Batyp ugramak.

**BATYL** [ba:tyl], *syp.* **1**. Görmekden mahrum, kör. **2**. *göç.m., kön.s.* Bagly, bekli, ýapyk. *Galmady synada dagyň, Açyldy batyl bulagyň* ("Hüýrlukga – Hemra"). *Açylsyn batyl ýollaryň* (Kemine).

**BATYLLYK** [ba:tyllyk], *at.* Görmekden galan ýagdaýda bolmaklyk, körlük.

**BATYR** [ba:tyr], *syp.* **1**. Hiç zatdan gorkmaýan, mert, gaýratly. *Seniň kakaň ýurduň batyry we serdary* ("Görogly"). **2**. Dogumly, haýbatly, batly. **3**. Oglana dakylýan at.

**BATYRÇYLYK** [ba:tyrçylyk], *at, ser.* **Batyrlyk**. *Seniň göwnüň daýhançylykdamy, batyrçylykdamy ýa mollaçylykdamy?* ("Görogly").

**BATYRGAÝ** [ba:tyrğaý], *syp.* Gorky-ürküsiz, hiç zatdan çekinmeýän, gorkman hereket edýän, gorkusyz, batyrlarça. *Batyrgaý adam. Batyrgaý hereket.*

**BATYRGAÝLANMAK** [ba:tyrğaýlanmak], *işl.* Dogumlyrak, batyrrak, aýgytlyrak hereket edip başlamak, dogumlanmak.

**BATYRGAÝLYK** [ba:tyrğaýlyk], *at.* Batyrgaý bolmaklyk, dogumlylyk, gaýduwsyzlyk.

**BATYRGAÝRAK** [ba:tyrğaýra:k], *syp.* Birneme batyrgaý.

**BATYRLANMAK** [ba:tyrlanmak], *işl.* Merdemsilenip başlamak, gorkmazak bolup başlamak.

**BATYRLYK** [ba:tyrlyk], *at.* Gorkmazlyk, mertlik, edermenlik.

◊ **Batyrlyk satmak** batyrsyrap, uly geplemek, güplemek.

**BATYRMA 1**. *iş ady.* Batyrmak ýagdaýy. **2**. *at.* Dogralan pomidor ýagda gowurmyşlanyp bişirilen nahar.

**BATYRMAK**, *işl.* **1**. Suwa ýa-da suwuklyga sokmak. *Ýüplügi gazanda gaýnap duran reňke batyryp çykarmak.* **2**. Gark etmek. *Gämini batyrmak.* **3**. Çümdürmek, urdurmak (tiken we ş.m.). *Ol aýagyna tiken batyran, elini sowuk suwa uran adam däldi.* **4**. Uly zyýan çekdirmek, bergidar etmek. *Sen puly tygşytly*

*harçlamasaň, kakaňy derrew batyrarsyň.* **5**. Degirmek. *Gorkmasaň, barmagyňy bir batyryp gör!*

**BATYRSUMAK** [ba:tyrsumok], *at, syp.* Bolgusyz batyrlyk edýän, özüni batyr hasaplaýan (adam). *Batyrsumaklaram hondanbärsireýär.*

**BATYRSUMAKLYK** [ba:tyrsumokluk], *at.* Bolgusyz batyrlyk edijilik, özüňi batyr hasaplaýjylyk.

**BATYRSYRABERMEK** [ba:tyrsyra:vermek], *işl.* Batyrsyrap başlamak.

**BATYRSYRAMA** [ba:tyrsyrama], *iş ady.* Batyrsyramak ýagdaýy.

**BATYRSYRAMAK** [ba:tyrsyramak], *işl.* Batyr bolan bolmak, batyrlyk satjak bolmak. *Biderek batyrsyramak nämä gerek?*

**BATYRSYRAMAKLYK** [ba:tyrsyramaklyk], *iş ady.* Batyrsyramak ýagdaýy.

**BATYRSYRAŞMAK** [ba:tyrsyraşmak], *işl.* Birnäçe bolup, batyr bolan bolmak, köpçülikleýin batyrlyk satmak.

**BATYRSYRAÝYŞ** [ba:tyrsyraýyş], *iş ady.* Batyrsyramak ýagdaýy.

**BATYRTMAK**, *işl.* **1**. Başga birine suwa ýa-da suwuklyga sokdurmak. *Ýüplügi gyzyl reňke batyrtmak.* **2**. Gark etdirmek. *Gaýygy gark etdirmek.* **3**. Çümdürtmek, urdurtmak (tiken we ş.m.). **4**. Uly zyýan çekdirtmek, bergidar etdirmek. *Sen puly tygşytly harçlamasaň, kakaňy derrew batyrarsyň.* **5**. Degirtmek. *Oňa barmagyny hem batyrtmaryn.*

**BATYRYLMAK**, *işl.* **1**. Suwa ýa-da suwuklyga çümdürilmek, gark edilmek. **2**. Uly zyýan çekdirilmek, bergidar edilmek.

**BATYRYNMAK**, *işl.* **1.** Azar bermek, ynjatmak, degmek, gaty-gaýrym zat diýmek. *Olara hiç bir oglan batyrynyp bilmez*. **2.** Özüň üçin batyrmak. *Şorsuwa çörek batyrynyp iýmek.*

**BATYRYŞ**, *iş ady.* Batyrmak ýagdaýy.

**BATYRYŞDYRMAK**, *işl.* Batyryp çykmak, birnäçe gezek batyrmak, hemmesini batyrmak.

**BATYRYŞMAK**, *işl.* Batyrmaga kömekleşmek.

**BATYŞ**, *iş ady.* Batmak ýagdaýy.

**BAWAR** [ba:war], *at, k.d.* Ynam, ynanç, ynanyş. *Bahyl baýda berim bolmaz, Merdiň sözün bawar kylmaz* (Magtymguly).

**BAÝ**, Gepleýän adamyň görýän zadyny, bolan ýa bolýan zady üýtgeşik hasaplap, oňa geňirgenýändigini, bolýan hereketiň adatdakydan öte üýtgeşikdigini bildirýän ümlük. *Baý, onuň gomparan bolaýşyny, kimdirin öýdýärkä?! Çagalarymy ile goşjak bolup,baý, azap baryny görendirin-ä!*

**BAÝ** [ba:ý], **I**. *syp.* **1**.Ykdysady taýdan gurply, barly. *Baý daýhan birleşigi.* **2**. *syp.* Özünde gerekli, gymmatly, peýdaly zatlary jemleýän. *Baý kitaphana.* **3**. Oglana dakylýan at.

◊ **Baý bolmak (baýamak) 1)** gurplanmak. **2)** maşgalada gyz çaga dünýä inmek.

**BAÝ** [ba:ý], **II**. *at.* Mally-mülkli adam.

**BAÝABERMEK** [baýa:vermek], *işl.* Baýap başlamak.

**BAÝAK**, *hal, k. d.* Öňräk, arada, ol gün. *Kyýamatdan bir söz diýdim baýakda, Garaw bardyr ýersiz urlan taýakda* (Magtymguly).

**BAÝAKY**, *syp, k. d.* Öňräkki, araky, ol günki. *Aýdan-aý geçdi, günden-gün geçdi, baýaky ýedi aýlyk Nejep ýedi ýaşyna ýetdi* ("Nejep oglan").

**BAÝAMA** [ba:ýama], *iş ady.*Baýamak ýagdaýy.

**BAÝAMAK** [ba:ýamak] **I**, *işl.* **1**. Baý bolmak, gurplanmak. *Şeýle bolansoň özleriniň halal zähmeti bilen baýamaga çalyşýan bakjaçylarymyzyň sany barha köpelýär* ("Türkmenistan"). **2**. *göç.m.* Gyz çagasy bolmak, dünýä inmek. *Baýapsyňyz, ýaşy uzyn bolsun!*

**BAÝAMAK** [ba:ýamak] **II**, *işl.* Gutarmak, tükenmek. *Kendirigimiziň urbasy baýapdyr.*

**BAÝAMAKLYK** [ba:ýamaklyk], *iş ady.* Baýamak ýagdaýy.

**BAÝAMAZLYK** [ba:ýamazlyk] **I**, *iş ady.* Baý bolmazlyk, baýlaşmazlyk.

**BAÝAMAZLYK** [ba:ýamazlyk] **II**, *iş ady.* Tükenmezlik, gutarmazlyk, baýap durmazlyk.

**BAÝAR**, *at.* **1**. *taryh.* Hojaýyn, aga. *Gulmanyň dogan-garyndaşlary uly köçä çykyp, geljek baýaryň öňünde garaşyp durdular* (A. Gowşudow). 2. Oglana dakylýan at.

**BAÝARLYK**, *at.* Hojaýynlyk, baýaryň ýagdaýy.

**BAÝARSYRAMAK**, *işl.* Baýar bolan bolmak, hojaýynsyramak.

**BAÝATDYRMAK** [ba:ýatdyrmak], *işl.*, *ser.* **Baýatmak 1**.

**BAÝATMAK** [ba:ýatmak] **I**, *işl.* **1**. Baý etmek, gurply etmek. **2**. *göç.m.* Derejesini artdyrmak, üstüni ýetirmek, baýlaşdyrmak.

**BAÝATMAK** [ba:ýatmak] **II**, *işl.* Iň soňuna çenli tüketmek, tamamlamak, gutarmak. *Uny baýatmak.*

**BAÝ-BA** [baý-ba:], *üml., ser.* **Baý-bow**.

**BAÝ-BAÝ** [baý-baý], **1**. Begenji, şatlygy aňladýan ümlük. *Baý-baý, Göroglynyňky bolsa, üç-dört sanagyny diläbem alarys, onuň bilen biz köne dostdurys* ("Görogly"). **2**. Närazylygy, igenji, käýinji we ş.m. aňladýan ümlük. *Baý-baý, gürleýäň-ow?*

**BAÝ-BAÝOW** [baý-baýo:w], Gümansyratmagy, ikirjiňlenmegi, geň galmagy we ş.m. aňladýan ümlük. *Baý-baýow, senden gorkaýmaly!*

**BAÝ-BOW** [baý-bo:w], Geň galmagy, haýran galmagy aňladýan ümlük. *Baý-bow, ol zor adam eken.*

**BAÝDAK**, *at.* **1**. Bir döwlete, edara, harby bölüme we ş.m. degişli ýüzi nyşanly, ýazgyly, belli bir reňkdäki we ölçegdäki mata bölegi, tug. *Türkmenistanyň Döwlet Baýdagy.* **2**. Adam ady.

◊ **Baýdagy galmak** bagty getirmek. *Onuň baýdagy galypdyr – uly işe çekipdirler.* **Baýdak ýaly** syratly, uzyn boýly. *Baýdak ýaly gelin.*

**BAÝDAKÇY**, *at.* Baýdak göteriji.

**BAÝDAKLY**, *syp.* Baýdagy bar bolan.

**BAÝ-GARYP** [ba:ý-ğary:p], *at, taryh.* Baý we garyp. *Baý-garyp diýmän toýa geldi.*

**BAÝGUŞ** [ba:ýğuş], *at.* **1**. Köplenç, harabalykda ýaşaýan, tegelek gözli, çüňki egri guş, baýhatyn. *Baýguşuň rysgaly agzynda* (Atalar sözi). *Baýguş gonmasa reýhana, Bilbil hiç gülünden dönmez* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Köplenç, aýal-gyzlar tarapyndan aýdylýan sögünç söz. *Aý, haram baýguş, ýok bol şu ýerden!* (G. Muhtarow, G. Seýitliýew).

◊ **Baýguşdan gorkan serçe ýaly** örän gaty gorkan, zähresi ýarylan görnüşde. **Baýguş ýaly** garasöýmez.

**BAÝGUŞHANA** [ba:ýğuşha:na], *at.* **1**. Baýguşlaryň mesgeni, baýguşlaryň ýaşaýan ýeri. **2**. *göç.m.* Haraba, harabalyk. *Bu ýer baýguşhana bolupdyr.*

◊ **Baýguşhana öwürmek** abat jaýy, ymaraty ýykyp-ýumurmak, weýran etmek.

**BAÝHATYN** [ba:ýha:tyn], *at, ser.* **Baýguş**.

**BAÝLAŞDYRMAK** [ba:ýlaşdyrmak], *işl.* **1**. Has baý etmek, mally-mülkli etmek, gurplandyrmak. **2**. Bir zadyň ýeterlik derejede üstüni doldurmak, ýokarlandyrmak, ösdürmek, kämilleşdirmek.

**BAÝLAŞDYRYLMAK** [ba:ýlaşdyrylmak], *işl.* **1**. Has baý edilmek, mally-mülkli edilmek, gurplandyrmak. **2**. Bir zadyň ýeterlik derejede üsti doldurylmak, ýokarlandyrylmak, ösdürilmek.

**BAÝLAŞMA** [ba:ýlaşma], *iş ady.* Baýlaşmak ýagdaýy.

**BAÝLAŞMAK** [ba:ýlaşmak], *işl.***1**. Baý bolmak, mally-mülkli bolmak, gurplanmak. **2**. Belli bir derejede bir zadyň üsti ýetirilmek, ýokarlanmak, ösmek, kämilleşmek.

**BAÝLAŞMAKLYK** [ba:ýlaşmaklyk], *iş ady.* Baýlaşmak ýagdaýy.

**BAÝLAŞMAZLYK** [ba:ýlaşmazlyk], *iş ady.* Baý bolmazlyk, baýamazlyk.

**BAÝLYK** [ba:ýlyk] **I**, *at.* **1**. Gymmatly zatlar, hazyna, maýa. *Pagta ummasyz baýlykdyr. Medeni baýlyk.* **2**. Örän uly hususy emläk, mal, mülk.

**BAÝLYK** [ba:ýlyk] **II**, *at.* Araby goýnuň guýrugynyň ujundaky ösüntgi.

**BAÝNAMA**, *iş ady.* Baýnamak ýagdaýy.

**BAÝNAMAK**, *işl.* Gowy durmuşda, eşret içinde ýaşamak, gönenmek, lezzetli ýaşamak, erkana durmuş görmek, ýaýnamak.

**BAÝNAMAKLYK**, *iş ady.* Baýnamak ýagdaýy.

**BAÝNAMAZLYK**, *iş ady.* Baýnamakdan mahrum bolmak.

**BAÝNATMAK**, *işl.* Gowy durmuşda ýaşatmak, lezzetli ýaşatmak.

**BAÝNATMAZLYK**, *iş ady.* Gowy durmuşda ýaşatmazlyk. *Ýandagy ýaýnatma, bahyly baýnatma* (Nakyl).

**BAÝRAK**, *at.* **1**. Ýaryşda, işde üstün çykana berilýän sylag. *Magtymguly adyndaky halkara baýragy.* **2**. Belli bir iş, ýaryş, oýun üçin sylag hökmünde berilýän pul ýa-da zat.

**BAÝRAK** [ba:ýyra:k], *syp.* Az-kem baý.

**BAÝRAKLY**, *syp.* Baýrak bellenen, baýrak goýlan. *Baýrakly at çapyşygy. Baýrakly göreş.*

**BAÝRAKLYK**, *syp.* Baýrak üçin niýetlenen (pul ýa-da zat).

**BAÝRAM**, *at.* **1**. Bir wakanyň şanyna geçirilýän dabaraly toý. **2**. Adat, däp boýunça aýratyn bellenilýän dabaraly gün. *Nowruz baýramy. Gurban baýramy.* **3**. Hijri ýylynyň kamary aý hasabyna görä, dokuzynjy aýyň türkmençe ady. *Baýram aýy.* **4**. Adam ady.

**BAÝRAMÇYLYK**, *at.* Bir ajaýyp wakanyň hormatyna, şanyna, hatyrasyna toý edilýän pursat, toýçulyk. *Adamzadyň gadymdan belläp gelýän baýramçylyklarynyň biri bolan bahar baýramy – Nowruz baýramynyň bellenilmegi Garaşsyz we Bitarap döwletimiziň taryhyna altyn harplar bilen ýazylar* ("Türkmenistan"). *Baýram han Türkmeniň doglan gününiň 500 ýyllyk toýuna bagyşlanyp Hindistanda-da, Türkmenistanda-da uly baýramçylyk çäreleri geçirildi.*

**BAÝRY**, *syp.* **1**. Başdaş, ilkinji (aýal hakynda). *Baýry aýal.* **2**. "Uly, ýaşuly, tejribeli" ýaly many aňladýan söz. *Ýaňy-ýakynda bu ýerde baýry işçiler bilen ýaşlaryň duşuşygy boldy.* **3**. *göç.m.* Köne, köneleşen. *Burawlaýyşda has çuňdaky täze gatlaklara hüjüm edilip başlanmagy baýry nebit känlerine-de täze ömür berýär* ("Türkmenistan"). **4**. Adam ady.

**BAÝRYNDYRMAK** [ba:ýrynnyrmak], *işl., ser.* **Baýrynmak**. *Gazanan üstünligi ony birneme baýryndyrdy.*

**BAÝRYNMAK** [ba:ýrynmak], *işl.* Baýlyga, gazanylan üstünlige, şowuna düşen işe we ş.m. ulumsylyk bilen buýsanmak, arkalanmak. *Baýrynmagyn baýlygyňa, bijin bardyr öňüňde* (Nakyl).

**BAÝRYNMAKLYK** [ba:ýrynmaklyk], *iş ady.* Baýrynmak ýagdaýy.

**BAÝRYNYŞ** [ba:ýrynyş], *iş ady.* Baýrynmak ýagdaýy.

**BAÝRYNYŞMAK** [ba:ýrynyşmak], *işl.* Bir topar bolup baýlyga, gazanylan üstünlige buýsanmak, arkalanyp ýörmek. *Olar mallaryna baýrynyşyp, uly gürleýärler.*

**BAÝSUMAK** [ba:ýsumok], *at.* Baý bolan bolup ýören, öz ýanyndan özüni baý hasap edýän; bolgusyz baý.

**BAÝ-SÜÝTHOR** [ba:ý-süýtho:r], *at, taryh.* Baýlar we süýthorlar topary.

**BAÝTAL**, *at.* Urkaçy gylýal, ene ýaby. *Baýtal ýapagyny çekermiş çöle, Eşek kürresini küle getirmiş* (Magtymguly).

**BAÝTALÇA**, *at.* Ýaş baýtal.

**BAÝYR**, *at.* Dag etegindäki ýapgyt depeler, düzlüklerdäki belentli-pesli ýerler. *Uzakdan baýyrlar görünýär*.

**BAÝYRLAÇ**, *syp.* Baýyr pisintli, baýyr görnüşli, baýra meňzeş. *Beýikli-pesli baýyrlaç depeler*.

**BAÝYRLYK**, *at.* Baýyr bolup ýatan ýeri, baýryň köp ýeri. *Obanyň bir tarapy giden beýikli-pesli baýyrlykdy.*

**BAÝZY: baýzy ýüň** toklulardan ilkinji gezek gyrkylyp alynýan ýüň.

**BAZ** [ba:z] **I**, *at, kön.s.* Laçyn, elguş. *Asly beg bolmaýan çyksa şikäre, Gargaýa guş salar, bazyn tanymaz* (Şeýdaýy). *Harazban eline düşse algyr baz, Ganatdan aýrylar, gadryn näbilsin* (Magtymguly).

**BAZ** [ba:z] **II**, Käbir sözleriň soňuna goşulyp, kesp-kär aňladýan at ýasalýar. Meselem: *oýunbaz, masgarabaz*.

**BAZA** [ba:za], *at.* **1.** Bir zady amala aşyrmak ýa-da işlemek üçin haýsydyr bir maddy gymmatlyklaryň, serişdeleriň, tehniki desgalaryň we ş.m. tutuş jemi. *Maddy-tehniki baza. Maldarçylygyň iým bazasy. Ýeňil senagatyň çig mal bazasy.* **2**. Bir zadyň esasy, binýady. *Temanyň teoretiki bazasy.* **3**. Haýsydyr bir zady saklamak, kimdir birini üpjün etmek ýa-da kimdir birine hyzmat etmek bilen meşgullanýan gurama, kärhana we olaryň ýerleşýän ýeri. *Pagta bazasy*. *Gök önümler bazasy. Dynç alyş bazasy. Syýahatçylar bazasy.* **4**. Haýsydyr bir kesp-kärdäki adamlar toparynyň (işleýän wagty) daýanç punkty. *Geologlar bazasy. Ekspedisiýa bazasy.*

**BAZAR** [ba:zar], *at.* **1**. Haryt satylýan we satyn alynýan ýer. *Bazara bar, bagtyňy syna* (Nakyl). *Bu ýerde dünýä belli bazaryň bolandygyny hem taryhy maglumatlar ähli aýdyňlygy bilen ykrar edýär* ("Türkmenistan"). **2**. *gepl.d.* Hepdäniň söwda edilýän belli bir güni. *Geljek bazar at çapyşygy boljak.* **3**. Oglana dakylýan at.

◊ **Bazara çykarmak** maly, harydy satmak üçin bazara eltmek. **Bazara döndermek** galmagala, dawa, gykylyga öwürmek. **Bazara öwürmek**, *ser.* **Bazara döndermek**. **Bazara salmak** maly, harydy satmak üçin bazara çykarmak. **Bazar götermezlik** bazar bahasyndan ýokary bolmaklyk. **Bazar gurmak 1)** söwda etmek, satmak, almak. **2)** jedel, dawa, gykylyk-gopgun turuzmak. **3)** birnäçe bolup bir ýere üýşmek. **Bazar güni** *gepl.d.*Ýekşenbe. *Biz bazar güni Saglyk ýoluna gidýäris.* **Bazar gürrüňi** esassyz, myş-myş habarlar, biderek gürrüňler. **Ak bazar** bazaryň göterýän nyrhyndan harytlaryň satylýan we satyn alynýan ýeri.

**BAZARÇY** [ba:zarçy], *at.* Haryt almak ýa-da satmak üçin bazara gidýän ýa-da bazardan gelýän adam. *Bazarçylar üçin birnäçe täze amatlyklar döretdik* ("Türkmenistan").

**BAZARLAMA** [ba:zarlama], *iş ady.* Bazarlamak ýagdaýy.

**BAZARLAMAK** [ba:zarlamak], *işl.* Bazara baryp, gerek-ýarak harytlaryňy alyp gaýtmak. *Bular bazarlap, gerek-ýaraklaryny alyp boldular-da, ýene bärik ugramakçy boldular* ("Türkmen halk ertekileri").

**BAZARLAMAKLYK** [ba:zarlamaklyk], *iş ady.* Bazarlamak ýagdaýy.

**BAZARLAÝYŞ** [ba:zarlaýyş], *iş ady.* Bazarlamak ýagdaýy.

**BAZARLY** [ba:zarly], *syp.* **1**. Bazary bar bolan. **2**. Bazarda gowy geçýän, oňat alynýan, geçgel. *Bazarly haryt. Bazarly mal.*

**BAZARLYK** [ba:zarlyk], *at.* **1**. Bazarda satmaga niýetlenen (haryt). *Birneme bazarlyk gallamyz bar.* **2**. Bazara degişli, bazar bilen bagly. *Biziň bazarlyk işimiz hem ýok däl.*

**BAZARLYLYK** [ba:zarlylyk], *at.* Bazarda hyrydary köplük, geçgellik. *Ol öz goýunlarynyň bazarlylygyny artdyrmak üçin, olaryň tohumlaryny gowulandyrmak bilen meşgullandy*.

**BAZAR-OKAÇ** [ba:zar-okoç], *at*, *gepl.d.* Bazar. *Soňky döwürde bazar-okaja-da baraýamok-da*.

**BAZBENT** [ba:zvent], *at, zergärç.* Çagalaryň kürtekçesine, gursakçasyna dakylýan ýüzi gaşly, gyrasy zynjyr düwmeli, gyzyl çaýylan tegelek kümüş şaý. *Bukjanyň içinden ýüzüne tylla çaýylyp ýasalan kümüş ýaý, bazbent we başga şular ýaly şelpeli çaga şaýlary çykdy* (A. Gowşudow).

**BAZLAMAK** [bazylamak], *işl., ser.* **Bazyrdamak**.

**BAZLATMAK**, [bazylatmak], *işl., ser.* **Bazyrdatmak.**

◊ **Bazladyp basmak 1)** gyzgyn zady başga bir öl ýere seslendirip basmak. **2)** bir zady biriniň ýüzüne ýüz görmän açyk aýtmak. *Meniň näme kemçiligim bar bolsa, ýüzüme bazladyp bas-da dyn* (N. Pomma).

**BAZY** [ba:zy], *at, kön.s.* Oýnamak, oýun etmek. *Tilki kimin bazy berer her ýana* (Magtymguly).

**BAZYGÄR** [ba:zyğä:r], *at, kön.s.* Oýunçy, masgarabaz. *Bu dünýä bazygärdir, Bazysyn çaldy gitdi* (Magtymguly). *Bazygär juwana meňzäp, Näz bile alardy meni* (Zynhary).

**BAZYGÄRLIK** [ba:zyğä:rlik], *at, kön.s.* Oýunçylyk, masgarabazlyk. *Pelek, gelip biziň gaşda, Bakyp, bazygärlik eýlär* (Magtymguly). *At oýnadyp, oba alyp gelensoň, Oýun gurap, bazygärlik gerekdir* (Kätibi).

**BAZYRDAMA**, *iş ady.* Bazyrdamak ýagdaýy.

**BAZYRDAMAK**, *işl.* Bazyrdyly seslenmek, bazyrdyly ses çykmak, bazlamak. *Öl odun bazyrdap ýanýar.*

**BAZYRDAMAKLYK**, *iş ady.* Bazyrdamak ýagdaýy.

**BAZYRDATDYRMAK**, *işl.,ser.* **Bazyrdatmak**.

**BAZYRDATMAK**, *işl.* Bazyrdyly seslendirmek, bazlatmak. *Ýagyrnyňa bazyrdadyp ot basarlar* (A. Nazarow).

**BAZYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Bazyrdamak ýagdaýy.

**BAZYRDY**, *at.* Öl odun ýananda ýa-da oduň, közüň, gyzan demriň we ş.m. üstüne suwuklyk guýlanda emele gelýän sesiň ady.

**BAZZY-BUZZY** [bazzy-vuzzy]**: bazzy-buzzy etmek** ugurly-ugursyz, düşnükli-düşnüksiz, bazzyk-buzzuk geplemek.

**BAZZYK-BUZZUK** [bazzyk-buzzuk], *hal, ser.* **Bazzy-buzzy**. *Bazzyk-buzzuk sözläp, dilini hem oňly düşündirip bilmedi* ("Edebiýat we sungat").

**BAZZYLDAMAK** [bazzyllamak], *işl.* Bazzy-buzzy geplemek, bazzyk-buzzuk sözlemek.

**BAZZYLDAMAKLYK** [bazzyllamaklyk], *iş ady.* Bazzyldamak ýagdaýy.

**BAZZYLDAŞMAK** [bazzyllaşmak], *işl.* **1**. Bazzy-buzzy gepleşmek, bazzyk-buzzuk sözleşmek. **2**. Bazzyldyly seslenişmek.

**BAZZYLDATMAK** [bazzyllatmak], *işl.* Bazzyldyly seslendirmek.

**BAZZYLDY** [bazzylly], *at.* Bazzy-buzzuly, bazzyk-buzzuk çykýan sesiň ady.

**BE** [be:] **I**, Türkmen milli elipbiýiniň "B" harpynyň ady.

**BE** [be: / be] **II**, Geň galmagy, haýran galmagy, gynanmagy aňladýan ümlük. *Be, bu nähili gürrüň boldy?*

**BEÇE**, *at,k.d.* Çaga, oglan.

**BEDASYL**, *syp.* **1**. Asylsyz, pis, ýaman, erbet häsiýetli; gylyksyz. *Ölinçäň bedasyl bile, Mähriban bolujy bolma* ("Görogly"). *Bedasyl beg gullugynda ýörinçäň, Asyl begiň saýasynda kül bolgul* (Magtymguly). **2**. *göd. s.* Birine käýelende aýdylýan gödek, käýinç söz.

**BEDASYLLYK**, *at.* **1**. Asly ýamanlyk, erbet häsiýetlilik. *Bedasyla beglik ýetse bir günde, Alar awun, salar guşun aňlamaz* (Magtymguly). **2**. Bedasyla has bolan gylyk-häsiýet.

**BEDE**, *at.* Mal iými üçin orlup guradylyp goýlan ot. *Ýandagy bassaň, küde bolar, bedäni bassaň – pide* (Nakyl). *Mallar üçin bede eder ýaly ot ýatyrdy.*

**BEDEBERREW** [bedeverröw], *syp., gepl.d.* Betlik edýän, bet, garagol, ýakymsyz, berebekgeý.

**BEDEBERREWLIK** [bedeverröwlük], *syp., gepl.d.* Ýaramaz hereket. *Garry atasy: "Demim sogrulýança bedeberrewlige ýol bermen" diýdi.*

**BEDELIK**, *syp.* Bede taýýarlamak üçin niýetlenen (ot hakynda). *Bedelik ýorunja. Bedelik ot ýatyryldy.*

**BEDEN**, *at.* Adamyň ýa-da haýwanyň göwresi, endamy, synasy. *Adam köpräk hereket etse, onuň bedeni berkeýär.*

**BEDENE**, *at.* Torgaýdan ulurak, boz reňk, saýraýan meýdan guşy.

**BEDENEÇI**, *at.* Bedene tutmak we saklamak bilen meşgullanýan adam.

**BEDENTERBIÝE** [bedenterviýe], *at, sport.* Adam bedeniniň berkleşmegi we ösmegi üçin maşklar, gimnastika arkaly amala aşyrylýan türgenleşik.

**BEDENTERBIÝEÇI** [bedenterviýeçi], *at, sport.* Bedenterbiýe bilen meşgullanýan adam. *Bedenterbiýeçiler geçiriljek ýaryşlara berk taýýarlyk görýärler.*

**BEDEW** [bedöw], *at.* At. *Bedew jul içinde belli, göwher – kül içinde* (Nakyl). *Tanalar ol has bedewler, köne ýyrtyk jul biläni* (Magtymguly).

**BEDÄHET**, *syp.* **I**. Gaty gowy, juda oňat. *Onuň atasyny hem bedähet tanaryn.*

**BEDÄHET**, *syp.* **II**. "Ýaramaz, bolgusyz" manysynda käýinilip aýdylýan söz.

**BEDRE** [bedire], *at.* Suw we suwuk zatlar we ş.m. üçin ulanylýan, demirden ýasalan gap. *Bedre doly akşekerek üzümiň üstüne sowuk suw guýup iýmäge başlaýarlar* (A. Gowşudow).

**BEDRELEMEK** [bedirelemek], *işl.* **1**. Bedre bilen almak; bedrä guýup almak. *Hally nahar edýär, çaý-da gaýnadýar, Amansähet bedreläp suw getirýär* (M. Seýidow). *Bedreläp suw daşamak.* **2**. Bedre bilen ölçemek, bölmek. *Biz bugdaýy bedreläp bölüşdik.*

**BEDROÝ** [bediro:ý], *syp.* Mysalasy, ýüz keşbi betgelşik, betnyşan.

**BEDROÝLYK**, [bediro:ýluk], *at.* Mysalasy, ýüz keşbi betgelşiklik, betnyşanlyk.

**BEG** [beğ], *at.* **1**. *taryh.* Geçmişde käbir hökümdar, edermen, serkerde we ş.m. adamlara berlen dereje. *Eý Saýat han, ataňyz sizni pylan bege geleşdirdi* ("Saýatly – Hemra"). *Özge begler Mirhaýdara höwesdir* (Seýdi). **2**. *kön. s.* Batyr, edermen, mert ýigit. *Beglerim, häzir boluňlar, Daglar gümmür-gümmürlendi* ("Görogly"). **3**. Oglana dakylýan at.

**BEGENÇ** [beğenç], *at.* **1**. Begenilen mahaly döreýän şatlyk duýgusy. *Begenjimden neneňsi öýe*

*gelenimi hem bilmedim* (R. Gelenow). **2**. Oglana dakylýan at.

**BEGENÇLI** [beğenişli], *syp.* Begenç duýguly, şatlykly, guwançly. *Yzyndan barýan adam bolsa demi gysyp, haşlap ugrandygyna garaman, begençli ylgaýardy* (B. Seýtäkow).

**BEGENÇLILIK** [beğenişlilik], *at.* Begençli halda bolmaklyk.

**BEGENDIRMEK** [beğennirmek], *işl.* Biriniň begenmegine sebäp bolmak, birini şatlandyrmak. *Bu duşuşyk ony begendirdi.*

**BEGENILMEK** [beğenilmek], *işl.* Begenje eýe bolmak, begenç aralaşmak, begençli ýagdaýa düşülmek, göwnüň hoşal bolmak. *Kiçijik hoş habara-da begenilýär.*

**BEGENJEŇ** [beğenjeň], *syp.* Sähelçe zada begenýän, ujypsyzja zat üçin göwni hoş bolýan, begenegen.

**BEGENJEŇLIK** [beğenjeňlik], *at.* Sähelçe zada guwanaganlyk, begenegenlik. *Onuň begenjeňlik gylygy bar.*

**BEGENIŞ** [beğeniş], *iş ady.* Begenmek ýagdaýy.

**BEGENIŞMEK** [beğenişmek], *işl.* Köpçülikleýin begenmek, bilelikde şatlanmak. *Olar begenişip, iýip-içip, seleňe çykyp, bir oýa toplanyşyp, arkaýyn ýatanlar* ("Türkmen halk ertekileri").

**BEGENME** [beğenme], *iş ady.* Begenmek ýagdaýy.

**BEGENMEK** [beğenmek], *işl.* Bir zatdan göwnüň hoş bolmak, şat bolmak. *Adamzat bir-ä begenende söz tapmaz, bir-de gynananda* ("Görogly").

**BEGENMEKLIK** [beğenmeklik], *iş ady.* Begenmek ýagdaýy.

**BEGEÝIK** [beğeýik], *at.* Milli türkmen aýal geýimleriniň, köýneginiň, çabydynyň we ş.m. ýeňi bilen ýanynyň birigýän ýerine, goltugynyň aşagyna tikilýän başga reňkdäki üçburç mata bölejigi.

**BEGEÝIKLEME** [beğeýikleme], *iş ady.* Begeýiklemek ýagdaýy.

**BEGEÝIKLEMEK** [beğeýiklemek], *işl.* Begeýik urmak, oturtmak, begeýik tikmek.

**BEGEÝIKLEMEKLIK** [beğeýiklemeklik], *iş ady.* Begeýiklemek ýagdaýy.

**BEGEÝIKLETDIRMEK**, [beğeýikletdirmek] *işl.* Başga birine begeýik oturtdyrmak, begeýik tikdirmek.

**BEGEÝIKLETMEK** [beğeýikletmek], *işl.* Begeýik oturtdyrmak, begeýik tikdirmek.

**BEGEÝIKLEÝIŞ** [beğeýikleýiş], *iş ady.* Begeýiklemek ýagdaýy.

**BEGEÝIKLIK** [beğeýiklik], *syp.* Begeýik üçin niýetlenen (bölek mata). *Köýnege begeýiklik mata gerek.*

**BEG-HAN** [beğ-ha:n], *at, taryh.* Begler we hanlar.

**BEGIM** [beğim], *at, taryh.* **1**. Aýal-gyzlara hormat bilen ýüzlenileninde aýdylýan söz. *Selime Soltan begim Baýram hanyň aýalydyr.* **2**. Ýaş oglana söýgi bildirilip aýdylýan söz.

**BEGLIK** [beğlik], *at, taryh.* **1**. Begiň derejesi, ýagdaýy. *Kimse ile beglik eder, bir söý bilen ýola gider* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Oňat ýagdaý, oňat durmuş, erkinlik. *Saglyk bolsa, beglik bolar* (Atalar sözi).

**BEGRES** [beğres], *at.* **1**. Düzüw ýüzi tüýjümegräk ýüň ýa-da ýarym ýüň mata, mawut. *Ol adamyň başynda depesine gyzyl begres tutulan ak telpegi, egninde gara penjegi bardy* (A. Gowşudow). **2**. Şeýle matadan tikilen aýal dony. **3**. *göç.m.* Al-ýaşyl, owadan, nepis görnüş.

**BEGRESLIK** [beğreslik], *syp.* Begres üçin niýetlenen, begres tiker ýaly. *Begreslik mata.*

**BEGSIREMEK** [beğsiremek], *işl.* Özüňi beg ýaly alyp barmak, hondanbärsi bolan bolmak.

**BEGSIREŞMEK** [beğsireşmek], *işl.* Bilelikde begsiremek (birden artyk adam hakynda).

**BEGZADA** [beğza:da], *at,kön.s.* Begiň ogly ýa-da agtygy. *Hyzmat kylsaň, bolsun bir asylzada, Ata-babasyndan beýik begzada* (Magtymguly).

**BEGZADALARÇA** [beğza:dalarça], *hal, kön. s*. Begzada ýaly, begzada ýaraşykly, begzada mynasyp.

**BEGZADALYK** [beğza:dalyk], *at.* Begzadanyň ýagdaýy, derejesi.

**BEHE**, Begenji, geňirgenmegi ýa-da göwnüýetmezligi aňladýan ümlük. *Behe, hanha, üç towşan*.

**BEHI**, *at, ser.* **Beýi**.

**BEHIŞDI** [behi:şdi], *syp.* O dünýäde jennete barmaly adam. *Behişdi eýlär sen hüşür alany* (Kemine).

**BEHIŞT** [behi:şt], *at, dini.* **1**. Dini düşünjä görä, günä etmän ölen adamlaryň ruhunyň o dünýäde eşretli ýaşaýan ýeri, jennet, uçmah. *Dowzah görüp bu narymy, Behişt bolupdyr şol zaman* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Tebigaty baý ýer, eşretli ýer, jennet ýaly ýer. *Istemez men ol behişdi, Behişt mekanym bar meniň* (Magtymguly).

**BEJERGI** [bejerği] **I**, *at.* **1**. Ýeri işläp taýýarlamaklyk, ekine, ekin meýdanyna edilýän garaşyk. *Bejergisi ýeten ýer bol hasyl berýär*. **2**. Bejermek, düzmek üçin niýetlenip ýasalan. *Bejergi gurallary*.

**BEJERGI** [bejerği] **II**, *at.* **1.** Kürtä, çyrpa, köýnegiň ýakasyna we ş.m. salynýan keşde, gaýma, basma. **2.** *lukmanç.* Keselden açylmak üçin özüňe lukmana seretdirmeklik. *Maşgala lukmanyndan saglyk öýünde bejergi almak.*

**BEJERILMEK**, *işl.* **1**. Işlenip taýýarlanmak, bejergi işleri geçirilmek, ekine, ekin meýdanyna garaşyk edilmek. *Göwne jaý bejerilensoň, bu ýyl üzümimiz hasylly boldy*. **2**. Düzedilmek, abatlanmak. *Arabalar bejerildi.* **3**. Keselden halas edilmek, sagaldylmak, saglygy dikeldilmek. **4**. Tertibe salynmak, tijelmek, timarlanylmak. *Baýramçylygyň öň ýanynda otaglar*

*bejerilip goýuldy.* **5**. Keşdelenmek, gaýmalanmak, keşdelenip nagyş salynmak. *Ol örän sünnälenip bejerilen akgaýma tahýady* ("Edebiýat we sungat").

**BEJERINMEK**, *işl.* Özüň üçin bejermek. *Çykjak gyz özüne gyzyl kürte bejerindi.*

**BEJERIŞ**, *iş ady.* Bejermek ýagdaýy.

**BEJERIŞDIRMEK**, *işl.***1**. Bejergi işlerini geçirişdirmek, bejerip çykmak. **2**. Düzedişdirmek. *Jaýlaryň ýetmez ýerlerini bejerişdirdiler.* **3**. Tertibe salyşdyrmak, timarlaşdyrmak. **4**. Bejergi salyşdyrmak, nagyş, keşde çekip çykmak.

**BEJERIŞMEK**, *işl.***1**. Birine bir zady bejermäge, bejergi işlerini geçirmäge kömekleşmek. *Ýer bejerişmek. Ol Orazyň maşynyny bejerişdi. Aýgül doganyna kürte bejerişdi.* **2.** Birnäçe bolup bilelikde bejermek, köpçülikleýin bejermek. *Kärendeçiler gowaça ekjek ýerlerini bejerişip ýördüler.* **3**. Hassany bejermäge kömek etmek. *Men onuň aýagynyň ýarasyny bejerişdim.*

**BEJERME**, *iş ady.* Bejermek ýagdaýy.

**BEJERMEK**, *işl.* **1**. Ýeri, ekin meýdanyny sürüp, suwaryp, ekişe taýýarlamak, bejergi işini geçirmek. *Ýaş üzümi oňat ösdürmek üçin ony hem bejermeli, hem suwarmaly.* **2**. Döwük-ýenjigini, kemini-kössüni düzetmek. **3**. Gözegçilik etmek, ideg etmek, idetmek. *Oglanlykdan meni bakdyň, bejerdiň, Senden başga howandarym ýok meniň* ("Şasenem – Garyp"). **4**. Syrkawy keselinden halas etmek üçin lukmançylyk serişdelerini ulanmak, haýsydyr bir keseliň gutulmagy üçin onuň çäresini görmek; syrkawa seredip, keselden halas etmek, sagaltmak. **5**. Tertibe salmak, ýygnaşdyrmak. *Deslap haremhanany bejereýin* ("Görogly"). **6**. Keşde salmak, keşdelemek, nagyşlamak. *Kürte bejermek. Jigim ýaka bejerýärdi.***7**. *gepl.d.* Gürrüňde bir zat barada ýerlikli, aýdaýmaly sözi aýtmak, oňarmak. *Sen ony ýaňky jogabyň bilen bejerdiň, bolmasa ol gaty gidýär.*

**BEJERTDIRMEK**, *işl., ser.* **Bejertmek**. *Köýnegiň ýakasyny elde bejertdirdim.*

**BEJERTMEK**, *işl.* **1**. Başga birine bejergi işini geçirtmek, ýeri, ekin meýdanyny ekişe taýýarlatmak. **2**. Başga birine keşdeletmek, nagyşlatmak. *Jigime köýnegimiň ýakasyny bejertdim.* **3**. Düzetdirmek, abatlatmak, bejertdirmek. **4**. Gözegçilik etdirmek, ideg etdirmek, idetdirmek. **5**. Syrkawy keselden halas etdirmek, sagaltdyrmak. *Ony ýönekeý derman bilen bejertmek mümkin däl.* **6**. Tertibe saldyrtmak, timarlatmak. *Gelen badyna gül ýaly edip jaýyny bejertdi* (G. Gurbansähedow). **7**. Ýasatmak, gurnatmak. *Düýn ussa dalbar bejertdim.*

**BEJIDRÄK** [beji:dirä:k], *syp., gepl.d.* Tizräk, basymrak. *Soňra ol adamsyna ýüzlendi: – Aýuw, atasy, eşidýärmiň? Goçmyradyň atasyny tap-da, derrew ugruna çykyň! Obaň ähli erkegini ýygnaň bejidräk!* (Ý. Mämmediýew, Şapak).

**BEJIT** [beji:t], *hal, gepl.d.* **1**. Tiz, çalt, basym. *Bejit çäresini tapyň.* **2**. Hökman, äşgär. *Bejit bilgin sen biajal ölüpsen, Biakyl Görogly, nadan Görogly* ("Görogly"). *Gezek gelse Hatyjanyň üstünde, Bejit biliň, läş üstüne läş gider* (Seýdi).

**BEK**, *hal, ser.* **Berk**. *Sen ony ýadyňda bek sakla.*

**BEKEMEK**, *işl., ser.* **Berkemek**. *Gatnaşygymyz günbe-günden bekeýär.*

**BEKEŞMEK**, *işl., ser.* **Berkişmek**. *Onuň özi bilen käri-de bekeşdi* ("Edebiýat we sungat").

**BEKETMEK**, *işl., ser.* **Berkitmek**. *Eýsem-de bolsa, dumly-duşdaky tarkyldy onuň etini beketdi* (B. Kerbabaýew).

**BEKEWÜL** [beköwül], *at, kön. s.* Toýuň baştutany, toýuň ýaşulusy, aksakgaly, kethudasy, beýemçisi. *Bir ýüz tümen beriň bekewül başa, Dört iner, dört maýa ol pälwan kişä* (Kätibi).

**BEKLEME**, *iş ady.* Beklemek ýagdaýy.

**BEKLEMEK**, *işl.***1**. Gulplap, baglap, ýapyp goýmak. *Derwezäni ýapyp, içinden mäkäm beklediler.* **2**. Öňüni böwetlemek, böwet basmak, baglamak. *Dag opurylyp, onuň äpet daşlary, Biziň barýan ýolumyzy bekläp dur* (M. Seýidow). **3**. *göç.m.* Ýoluny, öňüni tutmak, gabat bolmak, germew bolmak. *Bekledi duruberdi öňümi birden, Belent bulda başyn deňäp duran jaý* (K.Gurbannepesow). **4**. Töweregini baglamak, ýapmak, daşyna aýlaw etmek. *Melleginiň daşyny beklediňmi?.*

◊ **Agzyny beklemek** *ser.* **Agyz**. *Ol agzyny üçürdikläp bekledi.*

**BEKLEMEKLIK**, *iş ady.* Beklemek ýagdaýy.

**BEKLENMEK**, *işl.***1**. Gulplanyp, baglanyp ýapylmak. *Dükan beklendi.* **2**. Böwet basylmak, böwetlenmek. *Ol öz gawunyna suw goýberilýän salmanyň beklenendigini bildi* (N. Jumaýew). **3**. Ýoly, öňi tutulmak, germew edilmek. *Olar bir ýany beklenen, gatnawy kesilen giň köçä çykdylar* (B. Kerbabaýew). **4**. Töweregi ýapylmak, daşyna aýlaw edilmek.

**BEKLEŞDIRMEK**, *işl.* **1**. Gulplaşdyryp, baglaşdyryp, ýapyp çykmak. *Söwdagärler dükanlarynyň agzyny bekleşdirdiler.* **2**. Böwetläp çykmak. *Atyzlaryň sakalaryny bekleşdirmek.* **3**. Ýoluny, öňüni tutuşdyrmak, germew edip çykmak. **4**. Töweregini ýapyp çykmak, daşyna aýlaw edişdirmek. *Gawun ekilen oýtagyň töweregini bekleşdirdik.*

**BEKLEŞMEK**, *işl.* **1**. Beklemäge kömek etmek. *Men oňa suwly ýaby bekleşdim. Men melleginiň daşyny sim bilen bekleşdim.* **2**. Biri bilen bilelikde beklemek. *Ataly ogul suw tutup bolanlaryndan soň ýabyň gulagyny bekleşip durdular.*

**BEKLETDIRMEK**, *işl.* **1**. Gulplatdyryp, baglatdyryp ýapdyrmak. **2**. Böwet basdyrmak, böwetletdirmek. *Men kiçijik ýapjagazy bekletdirdim*. **3**. Ýoluny, öňüni tutdurtmak, germew etdirtmek. *Bejerilýän köçäni bekletdirdi.* **4**. Töweregini ýapdyrtmak, daşyna aýlaw etdirtmek.

**BEKLETMEK**, *işl.***1**. Beklemek işini başga birine etdirmek. *Ol maňa suwuň öňüni bekletdi.Ussalara howlynyň daşyny bekletdik*. **2**. Beklenmegine ýol bermek, rugsat etmek. *Saňa gabşal bor diýip, mellegiň daşyny bekledenok diýýärler, mal-gara girmez ýaly, bekletseň kem bolman durmasyn.*

**BEKLEÝIŞ**, *iş ady.* Beklemek ýagdaýy. *Onuň suwly ýaby bekleýşi göwnejaý bolupdyr.*

**BEKLI**, *syp.* **1**. Ýapyk, bagly, gulply, gulplanyp, baglanyp goýlan. *Derwezäniň gapysy içinden bekli eken.* **2**. Böwet basylan, böwetlenen. **3**. Ýoly, öňi tutulan, beklenen. **4**. Töweregi germelen, tutulan. *Bir görsem, daş-töweregim bekli* ("Edebiýat we sungat").

**BEKLIK**, *at,ser.* **Berklik 1**. *Beklik üçin haýat galdyrdy.*

**BEKRE** [bekire], *at.* Eti we işbili ýokary hilli, gymmat bahaly balyk.

**BELA** [bela:], *at.* **1**. Başa düşen musallat, bela-beter, horluk, betbagtlyk. *Bela iki barmak dilden geler* (Nakyl). *Galmagaldan bela geler, Ýagşy-ýaman bary biler* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Ýaramazlyk, erbetlik edýän, ýaramaz. *Biz Alybeg diýen beladan dyndyk diýip ýördük* ("Görogly"). *Ýapynyň aňyrsynda bir topar bela bar eken* ("Türkmen halk ertekileri"). **3**. *göd. s*. Sögünç aňladýan söz. *Bela edipdir, merez edipdir*.

◊ **Belanyň körügi** bir işiň, hereketiň erbetlik taýdan sebäpkäri. *Gör, belanyň körügi nirede eken*. **Belaň sapy (oky)** hiç zat diýen many aňladýan gargyş söz. **Bela ýaly** hemme zatdan baş çykaryp bilýän, dogumly, işeňňir.

**BELA-BETER** [bela:-veter], *at.* **1**. *ser.* **Bela 1**. *Ähli bela-beter dep bolsun.* **2**. Köne-küşül, zir-zibil, hapa zatlar. *Gapynyň öňündäki bela-beteri süpürişdirip aýyrdylar.*

**BELA-BETERLIK** [bela:-veterlik], *at.* Elhençlik, erbetlik, betbagtlyk.

**BELENT**, *syp.* **1**. Beýik. *Belent daglaryň başynda, Bulut oýnar sil biläni* (Magtymguly). **2**. Ýokary, aşak däl, beýik ýer. *Belentden pesdine akan bulaglar* (Zelili). **3**. Dabaraly, abraýly, mertebeli. *Mertebäňiz belent bolsun!* **4**. Uly, çäksiz. *Onuň kalby belent arzuwlardan doludy.* **5**. *sazç.* Inçe, ýokary (ses hakynda). *Belent sesli aýdymçy.*

**BELENTLIK**, *at.* **1**. Beýik ýer, beýik depe. *Obanyň günorta tarapy belentlikdi*. **2**. Ýokary dereje, ýokarylyk. *Adamlaryň ruhunyň belentligi.* **3**. Inçelik, ýokarylyk (ses hakynda). *Bu aýdymçynyň sesi belentligi bilen tapawutlanýardy.*

**BELENTLI-PESLI**, *syp., ser.* **Beýikli-pesli**. *Belentli-pesli daglar.*

**BELENT-PES**, *at,ser.* **Beýik-pes**.

**BELEŇ 1) beleň almak** meçew almak, göterilmek, möwç almak. *Ýabylar biri-birlerinden beleň alyp, agyzzyryklaryny dişleri bilen mäkäm gysypdyrlar.* **2) beleň bermek** meçew bermek, götergilemek, mahabatlandyrmak, möwç aldyrmak.

**BELERTMEK**, *işl*. Azda-kände anyklamak.

◊ **Ugruny belertmek** bir zadyň nähili edilýändigini az-kem anyklamak. *Ugruny belertseň bolýar, işiň galanyny özümiz oňararys*.

**BELET**, *syp.* Birini, bir ýeri, bir zady gowy bilýän. *Çöle belet garry awçy ýaýladaky çopanlary azyk hem beýleki derkar zatlar bilen üpjün edýärdi* (B. Gurbanow).

**BELETÇILIK**, *at,ser.* **Beletlik**.

**BELETLIK**, *at.* Birini ýa-da bir ýeri gowy bilmeklik, beletçilik.

**BELETSIREMEK** [belessiremek], *işl.* Belet bolan bolmak, hemme zady bilýän kişi bolan bolmak.

**BELGI** [belği], *at.* **1**. Bir zady alamatlandyrýan nyşan, bellik. *Ýol hereketiniň belgileri.* **2**. *gepl. d.,ser.* **Baha 2**. *Diňe bäşlik belgi ýaraşýar oňa* (K. Gurbannepesow). **3**. *dil b.* Dyngy alamatlary. *Dyngy belgisi.*

**BELGILEMEK** [belğilemek], *işl.* Bir zada belgi, nyşan, alamat goýmak, bellik etmek. *Ilki başda müsürliler her sözi aýratyn belgiler, suratlar bilen belgiläpdirler*.

**BELGILENMEK** [belğilenmek], *işl.* Bir zada belgi goýulmak, bellik edilmek.

**BELGILEŞMEK** [belğileşmek], *işl.* Bir zada belgi, nyşan, alamat goýuşmak.

**BELGILETMEK** [belğiletmek], *işl.* Bir zada belgi, nyşan goýdurmak, bellik etdirmek.

**BELGILI** [belğili], *syp.* Belgi goýlan, bellik edilen, belgisi bolan.

**BELGIÝALYLAR** [be:lğiýalylar], *at.* Belgiýanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**BELIŇ: beliň bermek** birini bizar etmek, irizmek, halys etmek.

**BELKE**, *at.* Hamyr bölekleri ýuka ýaýylansoň, zuwalalar ýasy-ýasy kesilip, gaýnap duran suwa ýeke-ýekeden atylyp bişirilýän nahar.

**BELKELIK**, *syp.* Belke üçin niýetlenen, belke eder ýaly, belke üçin taýýarlanan. *Belkelik hamyr. Belkelik un.*

**BELKEM**, *köm. s.,ser.* **Belki**. *Ol, belkem, maňa minnetdar bolsa-da bolar*.

**BELKI**, *köm. s.* Bolaýmagy mümkin, ähtimal. *Biri-birini çapmak ermes ärlikden, Bu iş şeýtanydyr, belki, körlükden* (Magtymguly).

**BELLEMEK**, *işl.***1**. Bir zadyň ýüzüne bellik etmek. **2**. Bir zadyň wagtyny, ornuny we ş.m. takyklamak,

kesgitlemek. *Toýuň sähedini hem belllediler* (B. Gulow). **3**. Birini bir işe, wezipä goýmak. **4**. Bir üstünligi, dabaraly wakany ýatlap geçmek. *Onuň doglan gününi belledik.* **5**. Nygtap görkezmek. *Onuň gowy işgärdigini aýratyn bellemek gerek*. **6**. Bar bileni-biteni biri ýa-da bir zat bolmak; ýakyndan tanamak, öwrenişmek. *Çaga halys ejesini belläýipdir.***7**. *gepl.d.* Ýat tutmak, ýat beklemek.

**BELLEMEZLIK,** *iş ady.* Bellemek işini, gymyldy-hereketini etmezlik, ýerine ýetirmezlik. *Ýaşulularyň köp gürrüňini bellemändirin.*

**BELLEMŞA** [bellemşa:], *syp.* Ile belli, bellentgi, özüniň erbet hüý-häsiýeti bilen ýakasyny tanadan.

**BELLENMEK**, *işl.***1**. Bir zadyň ýüzüne bellik edilmek. *Okuwçynyň ýazan düzmesinde goýberen ýalňyşlary depderiň ýüzünde ýörite bellendi.* **2**. Bir zadyň wagty, orny we ş.m. takyklanmak, kesgitlenmek. *Ikinji duşuşyk bellenen wagtynda bolup geçdi* (B. Seýtäkow). **3**. Wezipä, işe goýulmak. **4**. Bir üstünlikli, dabaraly waka ýatlanyp geçilmek. *Alymyň ýetmiş ýaşy bellendi.* **5**. Özüni ýaramazlykda tanatmak, ile belli bolmak. *Aş görende, özüň atma tullanyp, Gerçe aç hem bolsaň, halka bellenip* (Magtymguly). **6**. Üns berilmek, nygtalyp geçilmek. *Şu ýerde bellenip geçilmeli, esasan, iki sany mesele bar.*

**BELLENTGI**, *syp.* Ýaramaz gylygy bilen özüni ile tanadan, bellemşa. *Bu burunlak adamyň hemmesine mälim bolan bellentgi adam ekenligini Gurt azajyk soň bildi* (A. Gowşudow).

**BELLEŞDIRMEK**, *işl.* Bir ýan ujundan belläp çykmak, birnäçe zady bellemek. *Ol ýan depderçesine birnäçe zatlary belleşdirdi.*

**BELLEŞIK**, *at.* Öňünden edilen gepleşik, ylalaşyk, wadalaşma, dilleşik. *Ol onuň bilen şu ýere belleşik edipdir.*

**BELLEŞIKLI**, *syp.* Öňünden gepleşikli, ylalaşykly, wadalaşykly, dilleşikli. *Ozaldan belleşikli bolansoň, köp garaşdyrman çykdy*.

**BELLEŞMEK**, *işl.* **1**. Bellemäge kömekleşmek. *Oňa sözlemiň eýe bilen habaryny belleşdim.* **2**. Bilelikde bellemek. *Tehnikler ýoluň geçjek ugruny belleşip ýördüler.* **3**. Biri bilen duşuşmaly ýeri, wagty bilelikde belläp goýmak. *Ol atyny baglap, belleşen ýerine bardy.*

**BELLETDIRMEK**, *işl.*, *ser.* **Belletmek**.

**BELLETMEK**, *işl.* Bellemek işini başga birine etdirmek. *Işe çykan gününi belletmek.*

**BELLI**, *syp.* **1**. Mälim, hemmelere äşgär, aýan. *Onuň myhmanlarynyň arasyna seretmeginiň sebäbi derrew belli boldy* (N. Saryhanow). **2**. Il arasynda ady ýaýran, görnükli, tanalýan, tanymal. *Mertden dogan ady belli, Görogly* ("Görogly"). **3**. Takyk, anyk, kesgitli. *Ol azajyk oýlanandan soň belli bir karara geldi*. **4**. Anyk. *Ýigidiň bolmasa ýaragy, aty, Şony belli biliň, ýokdur gaýraty* (Magtymguly).

◊ **Belli bahasy ýok 1)** belli bir kesgitli nyrhy ýok. **2)** örän oňat, gowy (gerekli zatlar hakynda). *Bir köneje ulagym bar welin, belli bahasy ýok, nirä gidesiň gelse, gidip bilýäň.* **Belli güni** däbe görä bellenen wagtda aýat-töwwir edilýän gün. *Aradan çykaly bäri eýýäm üçi, ýedisi, kyrky ýaly belli günleri geçip gidipdir.* **Bellisini etmek** kesgitli, gutarnykly netijä gelmek; ýa eýläk, ýa beýläk etmek, bir ýaňalyk etmek. *Seniň bilen bellisini etsem gerek.*

**BELLI-BELLI** [belli-velli], *syp.* Aýry-aýry, aýratyn, käbir. *Emma welin belli-belli wagtlarda Mähride bir tutuklyk we tukatlyk peýda bolardy* (A. Gowşudow).

**BELLI-BETER** [belli-veter], *hal.* Aýratyn hem, has, has-da, has beteri, ylaýta-da. *Gadyrly agam, siziň dostlarça, doganlarça hoşamaý sözüňiz meni belli-beter-de gozgalaňa saldy* (B. Kerbabaýew).

**BELLIK**, *at.* **1**. *ser.* **Belgi**. *Şol beýik gerşiň üstünde biziň araçäk belligimiz bar*. **2**. Ýazylan ýa-da aýdylan bir zat baradaky gysgaça pikiriň beýany. *Dogry bellik. Tankydy bellik.* **3**. Ýazgynyň aşagynda berilýän goşmaça düşündiriş.

**BELLIKLEMEK**, *işl.*, *ser.* **Belgilemek**.

**BELLIKLENMEK**, *işl.*, *ser.* **Belgilenmek**.

**BELLIKLETMEK**, *işl.*, *ser.* **Belgiletmek**.

**BELLIKLI**, *syp., ser.* **Belgili**. *Ine, bu bellikli bije meniňki*.

**BELLI-KÜLLI** [belli-küllü], *hal.* Düýpgöter, gutarnykly, bütinleý.

**BELORUS** [beloru:s], *at,ser.* **Beloruslar**.

**BELORUSLAR** [beloru:slor], *at.* Belarusyň esasy ilatyny düzýän halk.

**BENDE** [benne], *at.* **1**. Taňrynyň guly, adam, ynsan. *Bendäm bendäme sebäp* (Nakyl). *Hazynaňdan bergil meniň ryskymy, Bendäňi bendäňe mätäç eýleme* (Magtymguly). **2**. Garyp, pukara, ejiz, kömege mätäç adam. *Bende sen, bet işe batyrlyk etme!* (Magtymguly).

◊ **Bendäň çagasy** görgülijik (ýuwaşrak, özboluşlyrak, erksizräk adam hakynda nebsagyryjylyk bilen aýdylýan aňlatma). *Bendäň çagasy ederini bilenok.*

**BENDELIK** [bennelik], *at.* Bende bolmaklyk ýagdaýy. *Bendelik has olmaz reňgiň solmasa, Özi ölmezinden owal ölmese* (Kemine).

**BENDER** [benner], *at.* Deňiz, derýa ýakasyndaky gämi duralgasy, port.

**BENDI** [benni / benni:], *syp., at, kön. s.* **1**. Azatlykdan mahrum edilen adam, goly bagly ýesir. *Şa ony zyndanda bendi edýär* (Magrupy). **2**. *göç. m.* Bütinleý berlen, bagly, ýesir. *Periler oýnaýan ajap çaglarda, Gül,*

*Bilbil bendidir erem baglarda* (Magtymguly). *Onuň edil bilbiliňki ýaly aýnyja dury labzy, mylaýym sesi ähli adamy bendi etdi* (T. Gurbanow).

**BENDILIK** [benni:lik], *at, kön. s.* Azatlykdan mahrum halda bolmaklyk, erkin dällik, ýesirlik. *Çorularyň arzuwy bendilikden azat bolmakdy* ("Görogly").

**BENDIWAN** [benniwa:n / bennuwa:n], *syp.* **1**. Bent edilen, bagly, daňlan. **2**. *göç.m.* Bir iş bilen meşgul bolup oturan, işi köp, eli boş däl. *Işe bendiwan bolup oturmak.* **3**. *göç.m.* Gul, ýesir.

**BENDIWANLYK** [benniwa:nlyk / bennuwa:nlyk], *at, kön. s.* Bendiwan halda bolmaklyk.

**BENT I**, *at*. **1**. Derýalarda, kenarlarda suwuň derejesini ýokary galdyrmak we bölüşdirmek üçin gurulýan desga. **2**. *şahyr*. Bagly, daňylgy, daňlan. *Bent bolan zynjyrly gollar açylýar, Bilbiller saýraşyp, güller açylýar* (A. Kekilow).

◊ **Bent almazlyk** saklanmazlyk, saklanyp galmazlyk. *Haýsy işiň gyrasyndan barsa, iş öňünde bent alanok* (H. Derýaýew). **Bendi ýazmak** agzyna jaň dakylan ýaly bolmak.

**BENT II**, *at, edeb.* Goşguda belli-belli setirleriň, köplenç, gutarnykly pikir aňladyp gelýän toplumy.

**BENTLEME**, *iş ady.* Bentlemek ýagdaýy.

**BENTLEMEK**, *işl.* **1**. Bent gurmak; böwet etmek, bent etmek. **2**. Baglamak, daňmak, beklemek. **3**. Garaşly etmek, elgarama etmek, boýun etmek. *Şatyr beg ony ýüpsüz daňypdy, kiltsiz bentläpdi* (G. Kulyýew).

**BENTLEMEKLIK**, *iş ady.* Bentlemek ýagdaýy.

**BENTLEMEZLIK**, *işl.* Bentläp baglamazlyk.

**BENTLENMEK**, *işl.* **1**. Bent gurulmak. *Bentlenen jarlar*. **2**. Baglanmak, daňylmak, beklenmek.

**BENTLETMEK**, *işl.* **1**. Bentlemek işini başga birine etdirmek. **2**. Baglatmak, daňdyrtmak, bekletmek.

**BENTLEÝIŞ**, *iş ady.* Bentlemek ýagdaýy.

**BENTLI**, *syp.* **1**. Bent gurlan. **2**. Bagly, bekli, ýapyk.

**BENZIN** [benzi:n / binzi:n], *at.* Nebiti gaýtadan işlemek netijesinde alynýan reňksiz suwuk ýangyç.

**BEŇ**, *at, gepl. d., ser.* **Meň**.

**BEŇKEŞ**, *syp., ser.* **Meňkeş**.

**BERBAŞAGAÝ** [bervaşağaý], *hal*. Örän başagaý, gaty başagaý. *Berbaşagaý bolmak. Berbaşagaý etmek.*

**BERBAŞAGAÝLYK** [bervaşağaýlyk], *at*. Örän başagaýlyk, gaty başagaýlyk, başagaý, aljyraňňy ýagdaýda bolmaklyk. *Bu berbaşagaýlyk nämäniň alamaty?*

**BERBAT** [berva:t], *syp., hal.* **1**. Derbi-dagyn, berbibat, weýran, harap. *Adam neslimi sen ýa-ki perizat, Aklymy eýlediň her demde berbat* ("Görogly"). **2**. *Berbat* sözünden soň *etmek* kömekçi işligi gelip, düzümli işlik ýasalýar: **berbat etmek** derbi-dagyn etmek, ýykan-ýumran etmek, ýumurmak. *Duşmanlar obany berbat edip gidipdir.*

**BERBATÇYLYK** [berva:tçylyk], *at, ser.* **Berbatlyk**.

**BERBATLAMA** [berva:tlama], *iş ady.* Berbatlamak ýagdaýy.

**BERBATLAMAK** [berva:tlamak], *işl.* Berbat etmek, weýran etmek, haraplamak.

**BERBATLANMAK** [berva:tlanmak], *işl.* Berbat bolmak, weýran bolmak, haraplanmak.

**BERBATLAŞDYRMAK** [berva:tlaşdyrmak], *işl.* Berbat edişdirmek, weýran edişdirmek, sandan çykaryşdyrmak, harap edişdirmek.

**BERBATLAŞMAK** [berva:tlaşmak], *işl.* Berbat bolmak, berbatlanmak.

**BERBATLATDYRMAK** [berva:tlatdyrmak], *işl.* Berbat etdirtmek, weýran etdirtmek.

**BERBATLATMAK** [berva:tlatmak], *işl.* Berbat etdirmek, weýran etdirmek, haraplatmak.

**BERBATLAÝYŞ** [berva:tlaýyş], *iş ady.* Berbatlamak ýagdaýy.

**BERBATLYK** [berva:tlyk], *at.* Derbi-dagynlyk, sandan çykanlyk, weýranlyk, berbatçylyk, haraplyk.

**BER-BIBAT** [ber-bi:va:t], *hal.* Bütinleý weýran, harap bolan.

**BER-BIBATÇYLYK** [ber-bi:va:tçylyk], *at,ser.* **Ber-bibatlyk**.

**BER-BIBATLYK** [ber-bi:va:tlyk], *at.* Derbi-dagynlyk, weýrançylyk, haraplyk.

**BERÇ**, *at, lukmanç.* Kesel zerarly bedende galan düwün, gaty.

◊ **Berç bolmak 1)** düwün bolup gatap galmak. *Keljäniň ady onuň ýüreginde bir tike berç bolup galdy* (A. Gowşudow). **2)** halys irmek, bizar bolmak. *Ol şu kärden halys berç boldy.*

**BERÇIKME**, *iş ady.* Berçikmek ýagdaýy.

**BERÇIKMEK,** *işl.* Irmek, bizar bolmak, mädäňe degmek. *Ol ýumurtgadan berçigipdir.*

**BERÇIKMEKLIK**, *iş ady.* Berçikmek ýagdaýy.

**BERÇIN**, *at.* Ýençgilenip iki metal bölegini biri-birine gaýym sepleýän çüý şekilli demir bölejigi, sim we ş.m.

**BERÇINLEME**, *iş ady.* Berçinlemek ýagdaýy.

**BERÇINLEMEK**, *işl.* **1**. Çüýüň epenekden çykyp duran ujuny ýençgiläp, berçin edip berkitmek. **2**. *göç.m.* Berkidilmek, gaýymlanmak.

**BERÇINLEMEKLIK**, *iş ady.* Berçinlemek ýagdaýy.

**BERÇINLEMEZLIK**, *iş ady.* Berçinlemek işini etmezlik.

**BERÇINLENMEK**, *işl.* Berçin bilen berkidilmek.

**BERÇINLEŞDIRMEK**, *işl.* Berçin bilen berkidip çykmak.

**BERÇINLEŞMEK**, *işl.* **1**. Berçinlemäge kömekleşmek. **2**. Biri bilen ýa-da birnäçe bolup bilelikde berçinlemek.

**BERÇINLETDIRMEK**, *işl.*, *ser.* **Berçinletmek**.

**BERÇINLETMEK**, *işl.* Berçin bilen berkitdirmek, berçinlemek işini başga birine etdirmek.

**BERÇINLEÝIŞ**, *iş ady.* Berçinlemek ýagdaýy.

**BERDAŞLANMAK** [berda:şlanmak], *işl.* Sagdynlaşyp başlamak, gujurlanmak, bekişmek, berdaşly bolmak. *Işçileriň gollary zähmet bilen berdaşlanypdyr.*

**BERDAŞLY** [berda:şly], *syp.* Sagdyn, gujurly, çydamly; berk. *Onuň berdaşly bedeninde, ýanyp duran gara gözlerinde gujurlylyk duýulýardy* (B. Pürliýew).

**BERDAŞLYLYK** [berda:şlylyk], *at.* Sagdynlyk, gujurlylyk, çydamlylyk; berklik.

**BERDEŇKE**, *at.* Bir ok atýan tüpeň (munuň ady ony döreden amerikaly H. Berdanyň adyndan galypdyr).

**BERDIRMEK**, *işl.* Bermek işini başga birine etdirmek; bermäge mejbur etmek, berer ýaly etmek; bermäge mümkinçilik bermek. *Men onuň bergisini berdirerin.*

**BERDIRTMEK**, *işl., ser*. **Berdirmek**.

**BEREBEKGEÝ** [berevekgeý], *syp., at, gepl.d.* Halys gep düşündirip bolmaýan, gepe düşmez garagol. *Adam bu berebekgeý dile düşmeze gep düşündirjek bolýar... – diýip, Seýitmyrat beg oňa herreldi* (A. Gowşudow). *Berebekgeý çaga*.

**BEREKELLA** [berekella:], *üml.* Biriniň iş başarnygyny, bitiren gowy işini taryplap, minnetdarlyk bildirmek üçin aýdylýan söz.

**BEREKELLAÇY** [berekellaçy], Agyr işlerde, esasan, gazy-haşar işlerinde işleýän adamlara ruhy goldaw bermek, agyr işden biraz ünsüni sowmak, gyzygyp işlemegini gazanmak üçin ýörite hakyna tutulan bimisil dilewar, wäşi, halk döredijiligini aşa gowy bilýän adam. Berekellaçy işläp duranlaryň ählisi eşider ýaly, gerek ýerinde aýdym, dessan aýdypdyr, saz çalypdyr, netijede iş öndürijilikli bolupdyr. *Meniň kakam welin adyna mynasyp bolupdyr, hakyky berekellaçy bolupdyr. Haşar döwri dünýäň puluny töläp, ony berekellaçy tutupdyrlar* (Gurbanguly Berdimuhamedow, ″Döwlet guşy″).

**BEREKET**, *at.* **1**. Bol önüm, köp hasyl. *Bu desga geljek nesillerimiz üçin suw bolçulygyny döredip, ene topragymyzyň bereketini has-da artdyrar* (Gurbanguly Berdimuhamedow. ″Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr″). *Herekete – bereket* (Nakyl). **2**. *göç.m.* Güýç, hümmet, ýokum. *Naharyň bereketi.* **3**. Balkan welaýatynda bir etrap, şäher.

◊ **Bereket bersin!** nahar-şam iýlenden soň aýdylýan, iýmäge-içmäge bir zat hödür edilende jogap, gaýtargy ýerine ulanylýan ýagşy dileg. **Bereket kesegi** daýhanyň öndüren dänesiniň bereketli bolmagy niýet edilip, harmanyň çür depesinde goýulýan arassa, gury kesek. **Bereket tapmak** baý bolmak, bol-elin durmuşda ýaşamak.

**BEREKETLI**, *syp.* Bereketi bar, bereketi bolan; hummetli; paýlasaň köpe ýetýän. *Ejemiň bişiren nahary bereketli eken.*

**BEREKETLILIK**, *at.* Bereketi barlyk, bereketi köplük, bereketli bolmaklyk.

**BEREKETSIZ** [berekessiz], *syp.* Bereketi ýok, bereketli däl, bereketi bolmadyk; hümmetsiz.

**BEREKETSIZLIK** [berekessizlik], *at.* Bereketi ýokluk, bereketi azlyk, bereketli dällik, bereketsiz bolmaklyk.

**BERES**, *syp.*1. Hödürlenen zatdan çekeräk durýan, ölüp-öçüp barmaýan, dok, dokmäde. **2**. Adamlardan özüni daşrakda saklaýan, doýgun, dok.

**BERGI** [berği], *at.* **1**. Karz alnyp, gaýtarylyp berilmeli pul ýa-da zat. *"Bergiň müňe ýetse, ýumurtga börek iý"* (Nakyl). **2**. Borç.

**BERGI-BORÇ** [berği-vo:rç], *at, ser.* **Bergi**. *Günde bir gussam bar bergi-borç bilen* (Kemine).

**BERGIDAR** [berğida:r], *syp., ser.* **Bergili**. *Şu ýyla çenli etrabyň bergidar bolan ýyly ýokdur, bu ýylam bolmaz* (″Edebiýat we sungat″).

**BERGIDARLYK** [berğida:rlyk], *at, ser.* **Bergililik**.

**BERGILI** [berğili], *syp.* **1**. Karz pul ýa-da nesýe zat alan, bergidar. **2**. Borçly. *Biziň hemmämiz Watanyň öňünde bergilidiris.*

**BERGILILIK** [berğililik], *at.* Bergili bolmaklyk, bergidarlyk; borçlulyk.

**BERHAK**, *at, kön.s.* Hak, dogry, çyn, hakyky. *Ahwalym berhakdyr ýetdik myrada* (Mollanepes).

**BERHEM: berhem bolmak (tapmak)** şikes ýetmek, zyýan çekmek, bozulmak, ýok bolmak, dagamak. *Berhem bolup, mülki-esbap, Bar hanymandan aýryldyk* (Seýdi). *Aýby ýok, inim, süňňüň berhem tapman, sag-aman gelen ýeriň bolýar* (B. Kerbabaýew).

**BERHIZ** [berhi:z], *at.* Iýip-içmek bilen baglanyşykly saklanýan belli bir düzgün.

◊ **Berhiz tutmak (saklamak)** jan saglygyň talap edýän iýmitini iýmek, berhiz saklama düzgüni boýunça iýip-içmek.

**BERHIZLI** [berhi:zli], *syp.* Berhiz tutýan, berhiz saklaýan.

**BERHIZLILIK** [berhi:zlilik], *at.* Berhiz tutmaklyk, berhiz saklamaklyk. *Berhizlilik adamy belli bir derejede horlaýar.*

**BERI,** *köm. s.* Öňünden gelýän sözi nygtamagy aňladýan kömekçi söz. *Ylgap, başlyga beri aýtsaň bolmaýarmy?* ("Edebiýat we sungat").

**BERI-BERI** [beri-veri], *at. lukmanç.* Iýmitde ýokumly maddalaryň ýetmezçilik etmegi sebäpli döreýän kesel.

**BERILMEK**, *işl.* **1**. Alan zadyň yzyna gaýtarylmak; başga birine paýlanylmak. *Bergi wagtynda berilse ýagşy.* **2**. Bir zat geçirilmek, gowşurylmak. *Günortanyna işçilere gyzgyn nahar berilýär* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Satylmak, goýberilmek. *Dükanda alma berilýär.* **4**. Birine ýa-da bir zada yrylmak. *Gürrüňdeşiň sözüne berilmek.*

◊ **Berildigi bolsun!** köp ýaşasyn, uzak ömür sürsün, ömri uzak bolsun, ölmesin (çaga bolanda aýdylýan alkyş sözi).

**BERIM**, *at.* **1**. Bermek üçin özüňden çykarylýan zat, çykym. *Alym alyma ýaraşmaz, berim – bege* (Nakyl). *Halaýykda görelde ýok, görüm ýok, Baýlarynda sahawat ýok, berim ýok* (Magtymguly). **2**. Para, peşgeş. *Berim gökden ýol ýasar* (Nakyl).

**BERIMSEK**, *syp.* Berim bermegi halaýan.

**BERIMSEKLIK**, *at.* Berim bermegi halamaklyk.

**BERIMSIZ**, *syp.* **1**. Zat bermegi halamaýan, çykymsyz, husyt, syrnyh, gysyk, gysganç, sahy däl. *Berimsiz baýlara barandan, keremli daglara bar* (Atalar sözi). *Berimsiz beglerden, bahyl baýlardan Çöle çyksaň, erkek çopan ýagşydyr* (Magtymguly). **2**. Deňeşdirilýän zadyndan peslemeýän, pesde durmaýan, pes däl.

◊ **Çyna berimsiz** *ser*. **Çyn**.

**BERIMSIZLIK**, *at.* Berim bermegi halamazlyk, husytlyk, gysyklyk, gysgançlyk.

**BERIN** [beri:n], *köm. s., ser.* **Beri**. *Indi berin bes etsene* ("Edebiýat we sungat").

**BERIŞ**, *iş ady*. Bermek ýagdaýy.

**BERIŞDIRMEK**, *işl.* **1**. Birnäçe adama paýlap çykmak, bölüşdirip bermek, berip çykmak. **2**. Buýruk, tabşyryk we ş.m. berip çykmak. *Ol degişli buýruklary berişdirdi.*

**BERIŞMEK**, *işl.* **1**. Bermäge kömekleşmek. *Maňa sygyrlara ot berişsene*. **2**. Birnäçe bolup bilelikde bermek. *Alan zatlaryňy yzyna berişip durmak*. **3**. Biri-biriňe bermek. *Biri-biriňe sowgat berişmek.*

**BERJAÝ** [berja:ý]**: berjaý etmek** ýerbe-ýer etmek, ýerine ýetirmek, amala aşyrmak.

◊ **Berjaý görünmek** doly, anyk, ýerbe-ýer görünmek. *Palda Garybyň maksady berjaý göründi* ("Şasenem – Garyp").

**BERK** [berik] **I**, *syp., hal.* **1**. Pugta, mäkäm, üzülmeýän, zaýalanmaýan. *Berk gulp. Berk ýüp.* **2**. Tutanýerli, gaýduwsyz. *Ol öz sözünde berk durdy.* **3**. Sagdyn, sagat, güýçli. *Berk bedenli ýaşlar.* **4**. Doly suratda, ykjam, gowy, pugta, ynamly. *Bedenterbiýeçiler geçiriljek ýaryşlara berk taýýarlyk görýärler*. **5**. Ýeterlik derejede, pugta. *Garagolluk eden okuwçylara berk käýinç berildi. Berk temmi.* **6**. *göç.m.* Gorag, gala, pena. *Daşymyzyň polat berki ýaşlardyr*.

**BERK** [berik] **II**, *at, şahyr.* Ýaprak. *Hazan urup bergin döken, Gül degresin alar tiken* (Talyby). *Gül berkleri ornundan aýrylyp pytraşyp, ýere gaçyp soldy* ("Myraly hem Soltansöýün").

**BERKARAR** [berkara:r], *syp.* Dowamly, durnukly, hemişelik; bir bolşundan üýtgemeýän. *Berkarar döwlet islärin* (Magtymguly).

◊ **Berkarar etmek** düýbüni berkden tutmak, berkitmek, mäkämleşdirmek.

**BERKARARLYK** [berkara:rlyk], *at.* Durnuklylyk, berklik, mydamalyk.

**BERKEME**, *iş ady.* Berkemek ýagdaýy.

**BERKEMEK**, *işl.* **1**. Gatamak, bekemek. **2**. Pugtalanmak, berk bolmak, durnukly bolmak.

**BERKEMEKLIK**, *iş ady.* Berkemek ýagdaýy.

**BERKEÝIŞ**, *iş ady.* Berkemek ýagdaýy.

**BERKIDILMEK**, *işl.* **1**. Kakylyp, daňylyp, suwalyp ýa-da başga hili tär bilen gaýymlanmak, pugtalanmak. *Diwaryň ýüzüne berkidilen haly otaga görk berýärdi.* **2**. Güýçlendirmek, kuwwatlandyrylmak, güýji artdyrylmak. *Goşun bölümleri berkidildi.* **3**. Biriniň ygtyýaryna, garamagyna berilmek, birine tabşyrylmak. *Talyplar özlerine berkidilen ýerden oňat hasyl aldylar.*

**BERKIDIŞ**, *iş ady.* Berkitmek ýagdaýy.

**BERKIDIŞDIRMEK**, *işl.* **1**. Kakyşdyryp, daňyşdyryp, suwaşdyryp ýa-da başga hili tär bilen pugtalap, gaýymlap çykmak. **2**. Bir maksat bilen birini ýa-da birnäçe adamy beýlekilere tabyn edip, berkidip çykmak.

**BERKIŞMEK**, *işl.* **1**. Kem-kemden berkemek, has gaty berkemek, pugtalanmak. *Tamyň suwagy berkişipdir.* **2**. Güýçlenmek, kuwwatlanmak, güýji artmak, ysnyşmak. *Hyzmatdaşlygymyz has berkişýär*.

**BERKITDIRMEK**, *işl,* **1**. Çüýledip, kakdyryp, tikdirip pugtalatmak; daňdyryp mäkämletdirmek. *Tagtalary berkitdirmek.* **2**. Güýçlendirmek, kuwwatlandyrmak, güýjüni artdyrmak. *Hojalygy mundan beýläk-de berkitdirmek gerek.* **3**. Biriniň ygtyýaryna, garamagyna berdirmek, birine tabşyrtmak. *Yza galanlary öňde barýanlara berkitdirmek.*

**BERKITME I**, *iş ady.* Berkitmek ýagdaýy.

**BERKITME II**, *at.* **1**. Öňüni almak, tutmak, gabamak üçin gurlan desga, böwet, bent. *Güýçli sil gum berkitmelerini özi bilen alyp gitdi.* **2**. Goranmak üçin gurlan desga, goranmak serişdesi.

**BERKITMEK**, *işl.***1**. Kakyp, daňyp, suwap ýa-da başga bir tär bilen pugtalamak. *Gaýygy kenardaky toraňňa berkitdiler* (N. Jumaýew). **2**. Güýçlendirmek, kuwwatlandyrmak, güýjüni artdyrmak. **3**. Gözegçilik etmek, ekin ekmek we ş.m. üçin biriniň ygtyýaryna bermek, biriniň garamagyna tabşyrmak. *Kärendeçileriň her birine 5 gektar meýdany berkitdiler.*

**BERKITMEKLIK**, *iş ady.* Berkitmek ýagdaýy.

**BERKLEMEK**, *işl.* **1**. Berk edip goýmak, pugta mäkämlemek, gaýymlamak. *Serpik bagyny daň, üzük bagyny berkle* (A.Gowşudow). **2**. *göç.m.* Biriniň hiç zat aýtmazlygyny, agzyna berk bolmagyny tabşyrmak.

**BERKLENMEK**, *işl.* **1**. Berk edilip goýulmak, mäkämlenmek. *Jaýyň gapylary berklendi.* **2**. Biriniň bir zady başga birine habar bermezligi, aýtmazlygy tabşyrylmak.

**BERKLEŞDIRMEK**, *işl.* **1**. Birtopar zady berkläp çykmak. **2**. Kuwwatyny, güýjüni kem-kemden berkitmek, pugtalandyrmak. *Çaganyň bedenini berkleşdirmek gerek.*

**BERKLEŞMEK**, *işl.* **1**. Has berk bolmak, pugtalanmak. *Olaryň arasyndaky dostluk barha berkleşýär.* **2**. Kuwwaty, güýji has-da artmak, gurplanmak.

**BERKLETDIRMEK**, *işl.* Berklemek işini başga birine etdirmek.

**BERKLETMEK**, *işl.* Berk etdirip goýdurmak, pugta mäkämletmek, baglatmak. *Ol howlynyň derwezesini berkletdi.*

**BERKLIK**, *at.* **1**. Pugtalyk, mäkämlik, beklik. *Piliň sapynyň berkligini barlady.* **2**. Güýç-kuwwaty artmaklyk, synmazlyk. *Maşgalanyň berkligi ilkinji nobatda agzybirlige baglydyr.* **3**. Sagdynlyk, sagatlyk, güýç-gurbatlylyk. *Bu adamyň berkligi, çydamlylygy görnüp durdy*.

**BERMEK**, *işl.* **1**. Birine bir zat geçirmek, gowşurmak. *Berenden al, urandan gaç* (Atalar sözi). **2**. Alan zadyňy yzyna gaýtarmak. *Bergiňi bermek*. **3**. Kömekçi işlik hyzmatynda gelip, ýanaşyp gelýän isimleriň manysy bilen baglanyşykly hereketi aňladýar: **Gürrüň bermek** bir zat hakda birini habarly etmek, birine bir zat hakda aýtmak. **Söz bermek** bir zady wada etmek, äht etmek. *Çagalaryňy özüm saklaryn, özüm eklärin – diýip, söz berdi* (H.Ysmaýylow). *Sorag bermek, gürrüň bermek, azar bermek, karz bermek* we ş.m.

**BERMEKLIK**, *iş ady.* Bermek ýagdaýy.

**BERRE**, *at.* Guzy. *Ýaşymyň soňunda taşladym gurra, Nesip etse garry gurda ýaş berre* (Kemine).

◊ **Berre guzy** üç-dört aýlyk guzy. *Indi welin, her naharna, Berre guzy iýdirseň-de, Kellelerin ýaýkaşýarlar* (K. Gurbannepesow).

**BERTIK**, *at, lukmanç.* Zarply urgudan soň galýan düwün, gaty.

**BES**, *hal.* **1**. Ýeterlik. *Oňa göwnüňden çykaranjaň bes.* **2**. Boldy, gutar, tamamla. *Maňa bes, men indi içjek däl.*

◊ **Bes etmek 1)** gutarmak, tamamlamak. *Garaňky hem gatlyşdy, indi işi bes edäýjek.* **2)** Goýmak, gaýtalamazlyk, tamam etmek.

**BES-BELLI** [bes-velli], *syp.* Örän aýdyň, gaty anyk, mese-mälim, göze dürtülip duran.

**BESLEME**, *iş ady.* Beslemek ýagdaýy.

**BESLEMEK**, *işl.* **1**. Timar bermek, bezeg bermek, bezemek. *Gyr aty besle jul bile, Oturyşgyn ähli il bile* (Halk aýdymyndan). *Öwez hany hem at-ýaragyny besläp, bir bezelgi ata mündürdiler* ("Görogly"). **2**. Ýetişdirmek, ösdürmek. *Obam meni öz goýnunda besledi.* **3**. Arzuw etmek, arzuwlamak; islemek. *Ol göwnünde Meňli gyzy besläp, onuň maral gözlerine guwanyp gelýärdi* (G. Kulyýew).

**BESLENIBERMEK** [beslenivermek], *işl.* Beslenmäge hyýallanmak, beslenmäge başlamak.

**BESLENIŞMEK**, *işl.* Birnäçe bolup beslenmek.

**BESLENME**, *iş ady.* Beslenmek ýagdaýy.

**BESLENMEK**, *işl.* **1**. Özüňe timar bermek, bezelmek, bezenmek. *Aýna ümä beslenip gelipdi* (B. Kerbabaýew). **2**. Niýet edilmek, arzuw edilmek. *Bu sözler gelin-gyzlaryň, ýaş ýigitleriň ýüreklerinde beslenen sözlerdir.*

**BESLETMEK**, *işl.* Beslemek işini birine etdirmek.

**BESLEÝIŞ**, *iş ady.* Beslemek ýagdaýy.

**BESSE-BESSE** [besse-vesse], *syp.* Menek-menek, tegelek-tegelek bolup bildirip duran (tegmil we ş.m. hakynda). *Onuň hallary besse-besse bolup dur.*

**BEŞARET** [beşa:ret], *at,k. d.* Hoş habar. *Eger ýüz müň beşaret bolsa bary* (Sopy Allaýar).

**BEŞER**, *at, k. d.* Ynsan, adam, adamzat. *Sen uçar sen, men ýörer men, sen perizat, men beşer* (Kemine).

**BEŞERI**, *syp, k. d.* Ynsana, adamzada, adama mahsus, ynsany.

**BET I**, *syp.* **1**. Ýaman, erbet. *Bende sen, bet işe batyrlyk etme!* (Magtymguly). **2**. Baş bermeýän, erbet gylykly (mal hakynda). **3**. *göç.m.* Başarjaň, ugur tapyjy. *Onuň kiçijikligine seretmäň, gaty betdir* ("Edebiýat we sungat").

**BET II**. Sözüň öňünden goşulyp, goşulan sözüne erbetlik ýokundysyny berýär. *Betnyşan, betnebis, betnam, betgüman.*

**BETBAGT** [betbağyt], *syp.* Bagtsyz, bagtygara, garamaňlaý, işigaýdan, bagtyýatan.

**BETBAGTÇYLYK** [betbağytçylyk], *at, ser.* **Betbagtlyk**. *Betbagtçylyk her hili bolar ekeni*.

**BETBAGTLYK** [betbağytlyk], *at.* **1**. Bagty işlemezlik, bagtsyzlyk. *Bir betbagtlyk ýüze çykyp onuň çeken bar azabyny puç edipdi*. **2**. Işigaýdanlyk, bagtyýatanlyk.

**BETÇILIK**, *at, ser.* **Betlik 2**. *Biziň çagalarymyz betçilik diýen zadyň nämedigini hem bilenok.*

**BETER**, *syp.* **1**. Ýaman, erbet. *Derdimiň baryndan beter garyplyk* (Kemine). *Arzymy eşitgil, eý, söwer ýarym, Günbe-günden derdim beter, Hatyja* (Seýdi). **2**. Güýçli, örän, has. *Mährijemalyň ýüreginde Wepa bolan söýgi has beter joşýardy* (A. Gowşudow). **3**. *gepl.d.* Örän gowy, örän oňat, gaty gowy. *Beter başarar, başarman näme!*

◊ **Beteri çykmak** öňküden-de erbet bolmak. **Beterinden sakla (saklasyn)** häzirki pursatdakydan has erbet ýagdaýa sezewar etme. **Beterine tutmak 1)** tersine gaýtmak, erbetligine tutmak. *Beterine tutup durman, ylalaşmak gerek.* **2)** öňküsinden has güýjemek (ýel, ýagyş, gar we ş.m. tebigat hadysalary hakynda). *Gar-a beterine tutdy-ow!*

**BETERLEME**, *iş ady.* Beterlemek ýagdaýy.

**BETERLEMEK**, *işl.* **1**. Agyrysy, azary öňküsinden güýjemek, agyrlaşmak. **2**. Has güýjemek, öňküsinden beter bolmak. *Howanyň bozuklygy barha beterleýärdi.*

**BETERLEŞDIRMEK**, *işl.* Öňküsinden güýçlendirmek, halyny agyrlaşdyrmak. *Ol keselini beterleşdiripdir*.

**BETERLEŞMEK**, *işl.* **1**. Öňküsinden güýçlenmek, haly ýaramazlaşmak, keseli agyrlaşmak. *Onuň kelle agyrysy beterleşipdir.* **2**. Öňküden güýjemek.

**BETERLETMEK**, **1**. Azaryny, agyrysyny artdyrmak, gaýra üzmek, halyny teň etmek. *Howanyň sowamagy onuň dümewüni beterletdi.* **2**. Has güýjemek, gitdigiçe güýçlendirmek. *Gyş gazabyny beterletdi.*

**BETGELŞIK**, *syp.* **1**. Erbet görnüşli, owadan däl, gelşiksiz, görnüksiz, şekilsiz, sypatsyz. *Öňler ýykyk-ýumruk haýatlar şäheriň keşbini betgelşik görkezýärdi.* **2**. Ile sygmaýan, halanmaýan. *Betgelşik hereket.*

**BETGELŞIKLIK**, *at.* Erbet görnüşli, owadan dällik, gelşiksizlik, görmeksizlik, görnüksizlik, şekilsizlik, sypatsyzlyk. *Onuň pähimliligi betgelşikligini basýardy.*

**BETGÜMAN** [betgüma:n], *syp.* Göwnüne güman getirýän, bir zadyň dogrulygyna ynam etmeýän, müňkür. *Zöhräniň gören düýşüne ol hem betgüman bolup, pikir derýasyna gark boldy* ("Zöhre – Tahyr").

**BETGÜMANÇYLYK** [betgüma:nçylyk], *at,ser.* **Betgümanlyk**.

**BETGÜMANLYK** [betgüma:nlyk], *at.* Göwne güman getirijilik, bir zadyň dogrudygyna ynam etmezlik, müňkürlik. *Betgümanlyk erbet gylyk*.

**BETGYLYK**, *syp.* Erbet häsiýetli, gylygy ýaman, gylyksyz. *Betgylyk adam ýanynda, Ýagşylyk är pähim eder* (Magtymguly).

**BETGYLYKLYLYK**, *at.* Erbet häsiýeti barlyk, ýaman häsiýetlilik, ýaman gylyklylyk.

**BETHA** [betha:], *syp.* Örän ýaman, ýaramaz, ýamanlyk isleýän. *Betha dostuň duşman eder, şer getir* (Aşyky). *Her neneňsi betha atlar-da, şeýle ýörişlerde edil burny deşilen ýaly bolýardy* (A. Gowşudow).

**BETHALYK** [betha:lyk], *at.* Ýamanlyk, ýaramazlyk. *Çagajyk enesinden galmajak bolup, edibilen bethalygyny etdi.*

**BETHAÝBAT** [bethaývat], *syp., kön.s.* Örän haýbatly, diýseň haýbatly. *Ýeri, dost, myhmanyň ýaman bethaýbat görünýär-le?* ("Türkmen halk ertekileri").

**BETLAGAM** [betlağam], *syp., k.d.* Erbet gylykly, ýaman häsiýetli. *Betlagam ýoldaşdan, ýaman goňşudan Ýuwaşja aýrylyp gaçan ýagşydyr* (Magtymguly).

**BETLENMEK**, *işl.* Has bet bolmak.

**BETLIK**, *at.***1**. Erbetlik, ýamanlyk, betçilik. *Päliniň betligin Aýlar hem bildi* (B. Kerbabaýew). **2**. Garagolluk, ýakymsyzlyk. *Betligimi taşlajagyma söz berýärin.*

**BETNAM** [betna:m], *syp.* Masgara, wejera, ile gülki, ýaman atly. *Ol iliň-günüň içinde dile düşdi, betnam boldy* (A. Gowşudow).

**BETNAMÇYLYK** [betna:mçylyk], *at, ser.* **Betnamlyk**.

**BETNAMLYK** [betna:mlyk], *at.* Masgara bolmaklyk, wejeralyk, ile gülkülik, ýaman atlylyk.

**BETNEBIS** [betnevis], *syp.* Öz peýdasyna çapýan, nebsine buýrup bilmeýän, öte nebisjeň, açgöz.

**BETNEBISLIK** [betnevislik], *at.* Nebse çapyjylyk, nebisjeňlik, açgözlük. *Betnebislik bilen köp aljak bolýar.*

**BETNIÝET**, *syp.* Ýaman niýetli, erbet pälli, erbet maksatly. *Betniýet adamlaryň bardygy barada az salym oýlanyp durdy* (B. Pürliýew).

**BETNIÝETÇILIK**, *at, ser.* **Betniýetlilik**.

**BETNIÝETLILIK**, *at.* Ýaman niýetlilik, erbet pällilik, erbet maksatlylyk.

**BETNYŞAN** [betnyşa:n], *syp.* Erbet keşpli, keşbi betgelşik, sypaty gelşiksiz. *Bu betnyşan sypatlaryň gözümden ýitdigi bolsun* (Ç. Aşyr).

**BETNYŞANLYK** [betnyşa:nlyk], *at.* Erbet keşplilik, bet sypatlylyk.

**BETON** [beto:n], *at.* Sement, çagyl, çäge ýaly zatlar suwda garylyp ýasalýan gurluşyk materialy.

**BETPÄL** [betpä:l], *syp., ser.* **Betniýet**. *Betpäl niýetine ýetmedi* (B. Kerbabaýew).

**BETPÄLÇILIK** [betpä:lçilik], *at, ser.* **Betniýetlilik**.

**BETPÄLLIK** [betpä:llik], *at.* Bet pälli bolmak.

**BETPÄLLILIK** [betpä:llilik], *at,ser.* **Betniýetlilik**. *Heý peläketler, siz ýaş başyňyzdan betpällik edýäňizmi* (B. Kerbabaýew).

**BETPYGYL** [betpyğyl], *syp., ser.* **Betniýet**.

**BETPYGYLLYLYK** [betpyğyllylyk], *at, ser.* **Betniýetlilik**.

**BEÝ I**, **1**. Närazylygy, gynanmagy aňladýan ümlük. *Beý, beýle-de bir gijä galmak bolarmy?!* **2**. Geňirgenmegi, haýran galmagy aňladýan ümlük. *Beý, Hanguly, senem gündizlerine gezmäge çykýar ekeniň! Gowy edýärsiň* (N. Saryhanow).

**BEÝ II**, *çal., gepl.d.* Beýle. *Beý diýme, inim*.

**BEÝAN** [beýa:n], *at.* Bir wakanyň teswiri, gürrüňi, düşündirişi, mazmuny, ýazgysy. *Ata, taýymy görenimi saz bilen beýan edeýin.* ("Görogly"). *Bu çeşme şu dagyň ýüreginiň gany, Ine oglum, rowaýatyň beýany* (M. Seýidow).

**BEÝANNAMA** [beýa:nna:ma], *at.* **1**. Ýazuw işiniň bir görnüşi. *Okuwçylar beýannama ýazýarlar*. **2**. Aýgytly äheňde beýan edilen pikir, garaýyş, hat üsti bilen berlen habar. *Bu mesele barada beýannama kabul edildi.*

**BEÝAZ** [beýa:z], *syp., k. d.* **1**. Ak. *Syl-süpür kalbyňy, süýtden beýaz et*. (Şah Ysmaýyl). **2**. Birnäçe şahyryň eserlerinden nusgalary öz içine alýan ýygyndy.

**BEÝDIP**, *hal*. Munuň ýaly görnüşde. *Atasy agtygyna: "Oragy onuň ýaly tutma, beýdip tutmaly" diýdi*.

**BEÝDIŞ**, *iş ady*. Şeýtmek ýagdaýy. *Seniň beýdişiň oňa ýararmyka?*

**BEÝDIŞDIRMEK**, *işl., gepl.d.* Baryny beýdip çykmak, onuň ýaly däl-de, munuň ýaly edip çykmak. *Gyzynyň öz aýdyşy ýaly etmän, nagşa üýtgeşiklik girizenini gören ejesi: "Beýdişdirmek nämä gerek boldy, öňküligine goýaýmazlarmy?" diýdi.*

**BEÝDIŞMEK**, *işl., gepl. d., ser.* Birnäçe bolup beýdip ýörmek, beýdip durmak. *Beýdişip durmaň-da, siz gowusy ýaşlary gutlaýyň!* ("Edebiýat we sungat"). *Beýdişip ýörmäň-de, işiňiz bilen boluň!*

**BEÝEMÇI**, *at,* **1**. Bir işiň, tutumyň guramaçysy, baştutany. *Toýuň beýemçisi.* **2**. Tertip-düzgüne, işiň alnyp barlyşyna göz-gulak bolýan adam.

**BEÝEMÇILIK**, *at.* Bir işe, tutuma guramaçylyk, baştutanlyk etmeklik. *Toýa beýemçilik edýän kim?*

**BEÝEMÇISIZ**, *syp.* **1**. Bir işiň, tutumyň guramaçysy bolmazlyk, baştutany ýokluk. **2**. Göz-gulak edilmeýän, baştutansyz, eýesiz. *Beýemçisiz tünegine, Başy tükel öýden geldi* (Ç. Aşyr).

**BEÝEMÇISIZLIK**, *at.* Beýemçisi ýokluk.

**BEÝEWAN** [beýewa:n], *at.* **1**. Giň çöl meýdan, düz. *Ýüzün tutup beýewana, Bir kiçijik kerwen barýar* (Ç. Aşyr). **2**. Janly-jandarsyz, adamsyz, çola, suwsuz çöl.

**BEÝEWANLYK** [beýewa:nlyk], *at.* **1**. Giň çöl meýdan, giň düzlük. **2**. Janly-jandarsyz, yns-jynssyz, adamsyz ýer, çolalyk. *Bu beýewanlykda näme işleýärsiň!*

**BEÝEWBAR** [beýewva:r], *hal, gepl. d.* Birden, birdenkä, eger, tötänden, bardy-geldi. *Beýewbar bäş-üç gün galmaly bolaýsaň, hor bolma, puly gaýgyrman sow* (B. Kerbabaýew).

**BEÝGELMEK** [beýğelmek], *işl.* **1**. Kem-kemden ýokaryk galmak, barha beýik bolmak. *Harmanlar barha beýgelýär*. **2**. Gullukda ýokary çekilmek, wezipäň boýunça ulalmak. **3**. Gitdigiçe güýçlenmek, gatalmak, güýjemek. *Oýunçy gyzlaryň sesi beýgelýär.* **4**. *göç.m.* Ruhuň göterilmek.

**BEÝGELTDIRMEK** [beýğeltdirmek], *işl., ser.* **Beýgeltmek**.

**BEÝGELTMEK** [beýğeltmek], *işl.* **1**. Öňküsinden ýokary galdyrmak. **2**. Wezipesi boýunça ulaltmak, ýokary işe çekmek, işde ösdürmek. *Onuň gulluk wezipesini ýene-de beýgeltdiler.* **3**. Gitdigiçe, barha güýçlendirmek, gataltmak, güýjüni artdyrmak. **4**. *göç.m.* Ruhuny götermek, abraýyny artdyrmak.

**BEÝHUŞ** [beýhu:ş], *syp., ser.* **Bihuş**.

**BEÝI**, *at. ösüml. d.* **1**. Günorta ýurtlarda ösýän, almalar maşgalasyndan bolan miweli agaç, aýwa. *Almany beýi agajyna sapdyk*. **2**. Şol agajyň miwesi. *Beýi mürepbesi ýokumly bolýar.*

**BEÝIK**, *syp.* **1**. Aşakdan ýokarlygyna beýgelip duran, belent, pes bolmadyk. *Depe-depeden beýik, Depeden inen keýik* (Läle). *Belent daglar, beýikligňe buýsanma* (Magtymguly). **2**. Ägirt uly ähmiýete eýe bolan. *Beýik maksat tutduk biz, Uly bagta ýetdik biz* (Läle). **3**. *göç.m.* Abraýly, görnükli, şöhratly. *Beýik şahsyýet*. *Beýik şahyr.*

**BEÝIK-BEÝIK**, *syp.* Biri-birinden beýik, biri beýlekisinden beýik, barysy beýik (köp zat hakynda). *Beýik-beýik daglar*. *Beýik-beýik jaýlar.* *Beýik-beýik agaçlar.*

**BEÝIKDEN-BEÝIK**, *syp.* Hemmesinden beýik bolan, gaty beýik. *Ol bu gün beýikden-beýik alaňlaryň üstüne çykyp, Uzugyň ýoluna bitakat seretdi* (H. Derýaýew).

**BEÝIKLIK**, *at.* **1**. Beýik ýer, belentlik. *Men beýiklige çykyp, töwerege syn etdim.* **2**. Belentlik derejesi, ýokary galyş möçberi. *Beýiklige çykmak.* **3.** Belent derejelilik, şöhrat, ady meşhurlyk.

**BEÝIKLI-PESLI**, *syp.* Beýiklik ýa peslik taýdan bir derejede bolmadyk, tekiz däl. *Beýikli-pesli baýyrlar, depeler, alaňlar ýaşyl mahmal ýapylan ýaly göm-gök öwüsýär* (N. Pomma).

**BEÝLE**, *çal.* **1**. "Munuň ýaly, onuň ýaly, şunuň ýaly, eýle, şeýle" diýen many aňladýan görkezme çalyşmasy. *Beýle etmek eden-etdilik dälmidir?* **2**. Şeýle derejede, şunuň ýaly güýçli derejede. *Men seni beýle ynanjaňsyň öýtmeýärdim*. **3**. Göz öňünde tutulýan ugur däl-de, başga ugur, tarap. *– Gaýradan gelýäňmi? – Ýok, beýleden – diýip, çopan elini ilerligine salgap goýberdi.*

**BEÝLE-BEÝLE** [beýle-veýle], *syp*. Şeýle ýokary derejedäki, şular ýaly gowy (zatlar, adamlar we ş.m.

hakynda). *Halkyň içinde beýle-beýle zehinli adamlar bardyr öýtmeýärdim.*

**BEÝLEKI**, *syp.* Şu däl-de, başga, eýleki, gaýry, özge. – *Seniň ussa diýýäniň şol iki bolup duranyň daýawymy? – Ýok, beýleki biri – gysga boýlusy.*

**BEÝLELIGINE** [beýleliğne], *hal.* **1**. Beýle tarapyna, beýleki ýüzüne, eýleligine. *Ol derrew beýleligine döndi. Ol leňňeç ýaly, derrew beýleligine döndi* (B. Kerbabaýew). **2**. Başga ýana, tersine. *Sen gepi beýleligine öwürme!*

**BEÝLÄK** [beýlä:k], *köm. s.* **1**. Beýle tarapa, bu gapdala, ol ýere. *Ol ýüzüni beýläk aýlady.* **2**. Öňünden gelen çykyş düşümindäki söz bilen birlikde bir işiň dowam edip başlan wagtyny aňladýar. *Onuň ejesi barandan beýläk zat iýmän-içmän, gaharly dymyp otyrdy* (A. Gowşudow).

**BEÝNI**, *at, anat.* **1**. Adamyň we haýwanyň nerw ulgamynyň merkezi bölegi; adamyň pikirleniş agzasy. **2**. *göç.m.* Akyl, aň, aň-düşünje. *Bu pikir onuň beýnisine pugta ornaşdy*.

◊ **Beýnä agram salmak** köp pikirlenip, kelläňi agyrtmak. **Beýnä urmak** bir zadyň ýiti täsiri ýetip, başyňy aýlamak. **Beýnisi bekemek** kemala gelmek, ese-boýa galmak, akyly goýalyşmak. **Beýnisi garyşmak** pikiri bulaşmak, näme bolýanyny seljerip bilmezlik. **Beýnisi işlemezlik** paýhas edip bilmezlik, oýlanyşykly akyl ýetirip bilmezlik. **Beýnisi öz ýerinde bolmazlyk** akyly üýtgäp duran, ýeldirgän. **Beýnisi sarsmak (çaýkanmak) 1)** zarply urgy, gaty ýykylma we ş.m. zerarly beýnisine şikes ýetmek. **2)** gahardan ýaňa çişmek, başy aýlanmak. **Beýnisi ýuka** akyly az, sähne. *Beýnisi ýukarak birini taparyn* ("Görogly").

**BEÝNIJIK**, *at, anat.* Oňurgaly haýwanlaryň we adamyň beýnisiniň ýeňsesinde ýerleşýän bölegi, kiçi beýni. *Beýnijik bedeniň deň agramlylygyny saklamakda, hereketleri sazlaşykly amala aşyrmakda uly hyzmaty ýerine ýetirýär.*

**BEÝT**, *at, edeb.* Setirleri biri-biri bilen kapyýalaşýan, iki setirli goşgy düzüliş usuly.

**BEÝTDIRMEK**, *işl.* Beýle etdirmek, munuň ýaly etdirmek.

**BEÝTME**, *iş ady.* Beýtmek ýagdaýy.

**BEÝTMEK**, *işl.* Beýle etmek, beýle bolmak, şeýle etmek. – *Beýtmäň, ogullarym, halala hasap bar, harama – azap – diýipdirler* (G. Kulyýew).

**BEÝTMEKLIK**, *iş ady.* Beýtmek ýagdaýy.

**BEZ**, *hal.* Irgin, halys, bizar, bezgek.

◊ **Bez bolmak** bizar bolmak, irmek, bir zatdan halys ýadamak.

**BEZBELTEK** [bezveltek], *at, haýwanat d.* Toklutaýlar toparyna degişli arkasy garamtyl-goňur, garnynyň asty ak, ganaty goňras aw guşy. *Bezbeltegi dik duran ýerimden urşumy görüp: – Sen mergen bolupsyň! – diýdi* (N. Saryhanow). *Hemme ýerde diýen ýaly küle ganat bezbeltek toparlary uçup-gonýardy* (B. Gurbanow).

**BEZDIRMEK** [bezzirmek], *işl.* Bez etmek, bizar etmek, ýüregine düşmek, irizmek.

**BEZE**, *at, lukmanç.* Adamyň elinde, ýüzünde, bedeninde dömüp çykýan deri keseli.

**BEZEG** [bezeğ], *at.* Her bir zada owadanlyk, görk berýän dürli zatlar. *Jaýyň içiniň haly, altyn-kümüş bezegi gereginden artykdy* (B. Seýtäkow). *Taryhyň bezegi, eý beýik ynsan, Guwanýar adyňa zähmet dünýäsi* (A. Kekilow).

**BEZEGLI** [bezeğli], *syp.* **1**. Her hili bezegler bilen bezelen, bezelip, owadan edilip goýlan. *Bezegli jaý.* **2**. Nagyşlanyp, keşdelenip bejerilen, nagyş salnan. *Bezegli torbajyk.*

**BEZEGLILIK** [bezeğlilik], *at.* Bezelip, bejerilip goýlanlyk, bezegi barlyk.

**BEZEGSIZ** [bezeğsiz], *syp.* Her hili bezegler bilen bezelmedik, bezegi ýokluk.

**BEZEGSIZLIK** [bezeğsizlik], *at.* Bezelip, bejerilip goýulmadyk.

**BEZELMEK**, *işl.* **1**. Bezeg şaýlary bilen timarlanmak, bezeg esbaplary dakylyp gelşik berilmek. *Ýaýbaň göwsi kümüş göwüsbent bilen bezelen owadan bedewine böküp mündi* (G. Kulyýew). **2**. Owadan görnüşe getirilmek. *Dürli agaçlar, güller bilen bezelen owadan dere.* **3**. Nagyş salynmak, keşdelenmek, bejergi edilmek. *Tamyň içi başdan-aýak dürli nagyş bilen bezelen* (B. Kerbabaýew).

**BEZEME**, *iş ady.* Bezemek ýagdaýy.

**BEZEMEK**, *işl.* **1**. Bir zada her hili bezeg berýän zatlar bilen gelşik, görk bermek. *Toýçular atlarynyň boýunlaryny gotaz we dürli şaýlar bilen bezäpdirler.* **2**. Adamzadyň, adamyň durmuşyna, ýaşaýyş guwanjyna görk bermek. *Ony adamkärçilik sypatlary bezeýärdi.* **3**. Nagyş salmak, keşdelemek, bejergi etmek. *Ussa küýzäniň daşyny üýtgeşik nagyşlar bilen bezedi.*

**BEZEMEKLIK**, *iş ady.* Bezemek ýagdaýy.

**BEZEMEN**, *syp.* **1**. Gowy geýnen, bezenen. *Bezemen gyz-gelinler küşt depýärdi*. **2**. Owadan, gelşikli, ýaraşykly. *Bezemen eýerlenen atlar toýa gelşik berýärdi.*

**BEZEMENLIK**, *at.* Gowy geýinmegi, timarlanmagy söýüjilik, bezenjeňlik. *Onda bezemenlikden, şatlykdan hiç zat galmandyr* (N. Pomma).

**BEZENDIRMEK** [bezennirmek], *işl.* **1**. Bezenere mümkinçilik bermek. **2**. Bezemek. *Siz çagalary gowy bezendiriň!*

**BEZENIŞMEK**, *işl.* Birtopar bolup bezenmek, owadan görnüşe girmek. *Toýa hemme kişi bezenişip gelipdir*.

**BEZENMEK**, *işl.* Özüňi bezemek. *Şu wagt, şu ýaşyňda bezenmän, haçan bezenjek?* (G. Gurbansähedow).

**BEZEŞDIRMEK**, *işl.* Bezeg, görk berýän zatlar bilen bezäp çykmak. *Otagy bezeşdirmek.*

**BEZEŞMEK**, *işl.* **1**. Bezemäge kömekleşmek. *Baýramçylyk mynasybetli edara jaýlaryny bezeşmek.* **2**. Birnäçe bolup bilelikde bezemek. *Gyz-gelinler toý ýerinde jaýlaryň içini bezeşip ýördüler.*

**BEZETDIRMEK**, *işl.* Timar berdirtmek, owadan görnüşe saldyrtmak. *Baýramçylygyň öň ýanynda köçeleri has-da bezetdirmek işini ýola goýduk.*

**BEZETMEK**, *işl.* Bezemek işini başga birine etdirmek, bezemäge mümkinçilik bermek.

**BEZGEK** [bezğek], *syp.* Gorkmak, irmek we ş.m. sebäpli birinden ýa-da bir zatdan bez bolan.

**BEZGEKLIK** [bezğeklik], *at.* Birinden ýa-da bir zatdan bez bolmaklyk.

**BEZIGIŞ** [beziğiş], *iş ady.* Bezikmek ýagdaýy.

**BEZIGIŞMEK** [beziğişmek], *işl.* Kem-kemden bez bolmak.

**BEZIKDIRILMEK**, *işl.* Bir zatdan ýa-da birinden bez edilmek.

**BEZIKDIRMEK**, *işl.* Bez etmek, bez bolmak derejesine ýetirmek.

**BEZIKME**, *iş ady.* Bizikmek ýagdaýy.

**BEZIKMEK**, *işl.* Bez bolmak, bezlik derejesine ýetmek. *Dogrusyny aýtsak, ol soňky wagtlarda bezigip, bizi gören ýerinde bukulyp ýör.*

**BEZIKMEKLIK**, *iş ady.* Bezikmek ýagdaýy.

**BEZIRGEN** [bezirğen], *at.* **1**. *kön. s.* Söwdagär, täjir. *Bezirgenem, sil apardy malymy* (Misgingylyç). *Birnäçe bezirgen ýoldan aýrylyp, Suwsuzlykdan halyn pida eýledi* (Kätibi). **2**. Oglana dakylýan at.

**BEZIRGENLIK** [bezirğenlik], *at, kön. s.* Söwdagärlik, täjirlik. *Hindistana bezirgenlik kylanlar, Malyn satyp geldi, bular gelmedi* (Magtymguly).

**BEZIŞ**, *iş ady.* Bezmek ýagdaýy.

**BEZM**, *at, kön. s.* Şatlyk, toý-meýlis, keýpi-sapa.

◊ **Bezm etmek (eýlemek)** keýpi-sapa sürmek, döwran sürmek. *Iki aşyk bir-birine bezm eder* (Kemine).

**BEZMEK**, *işl., ser.* **Bezikmek**. *Ol dynuwsyz aýlanyşdan, ölçegsiz işden, soňsuz hereketden halys bezýärdi* (B. Kerbabaýew).

**BEZMI-DÖWRAN** [bezmi-döwra:n], *syp., kön.s.* Şatlykly döwran, aýşy-eşret, keýpi-sapa. *Ýa Gülnüň ýolunda öler sen, ýa Gülni alar sen, goltugyna girip, bezmi-döwran kylar sen* ("Gül – Bilbil").

**BEZZAT** [bezza:t], *syp.* **1**. Edep-tertibi saklamaýan, asly erbet. *Başyň goşma gadyr bilmez bezzada* (Magtymguly). **2**. Garagol, söze gulak asmaýan. *Bezzat çaga*.

**BEZZATÇYLYK** [bezza:tçylyk], *at,ser.* **Bezzatlyk**. *Indi ol her ädimde Akjagül bilen urşup, bezzatçylyk edip ýören Durdymyrat däl* (B. Seýtäkow).

**BEZZATLYK** [bezza:tlyk], *at.* **1**. Edep-tertibi saklamazlyk, ýaramazlyk, bozgaklyk. **2**. Garagolluk, söze gulak asmazlyk. *Çaga bezzatlygy.*

**BÄ** [bä:], Haýran galmagy, geňirgenmegi aňladýan ümlük. *Bä, walla, haçan geldiň?*

**BÄBEK** [bä:vek], *at.* Gundagdaky emýän çaga. *Bahanam akja bäbek* (Nakyl).

**BÄBEKHANA** [bä:vekha:na], *at.* Çaga dogrulýan öý.

**BÄBENEK** [bä:venek], *at, anat.* **1**. Gözüň göreji bilen ak almasy. *Artygyň otlukly gözleriniň bäbenekleri gün şöhlesi bilen bäsleşýärdi* (B. Kerbabaýew). **2**. *gepl.d.* Göz.

**BÄGÜL** [bä:ğül], *at.* **1**. Ysly, owadan gülli, baldagy tikenek-tikenek ösümlik we şol ösümligiň güli. **2**. Gyza dakylýan at.

**BÄGÜLKEŞDE** [bä:ğülkeşde], *at.* Tahýa salynýan bägüle meňzeş nagyş.

**BÄH**, Geň galmagy, gynanmagy aňladýan ümlük. *Bäh, onuň ajydygyny!*

**BÄHBIT** [bähvi:t], *at.* **1**. Bir işiň, hereketiň oňaýly netijesi, haýyrly, peýdaly tarapy. **2**. Oglana dakylýan at.

◊ **Bähbit bola (bolsun)!** soňy haýyrly bolsun, netijesi gowy bolsun. *Bähbit bola, aýdyp oturyň!* (H. Ysmaýylow).

**BÄHBITLI** [bähvi:tli], *syp.* Netijesi oňaýly bolan, soňy haýyrly bolan. *Ol bähbitli işi ertä goýmagy halanokdy.*

**BÄHBITLILIK** [bähvi:tlilik], *at.* Bähbidi barlyk, netijesi oňaýlylyk, peýdalylyk, haýyrlylyk.

**BÄHBITSIZ** [bähvi:ssiz], *syp.* Bähbidi ýok, bähbitli däl, netijesi oňaýsyz, peýdasyz, haýyrsyz.

**BÄHBITSIZLIK** [bähvi:ssizlik], *at.* Bähbidi ýokluk, bähbitli dällik, netijesi oňaýsyzlyk, peýdasyzlyk, haýyrsyzlyk.

**BÄHRE**, *at, k. d.* Peýda, nep, gazanç. *Köňlüm bähre tapar oýnan oýnuňdan* (Kemine).

**BÄLÇIK** [bä:lçik], *syp.* Wäşilik etmegi gowy görýän, degişgen. *Aýlansaň-da oba-oba, Taýmaz ýaly bälçik baba, Tapaýmarsyň, tapaýmarsyň* (K. Gurbannepesow).

**BÄLÇIKLIK** [bä:lçiklik], *at.* Degişgenlik, wäşilik. *Ol bälçiklik etmegi halamaýardy.*

**BÄLÇIREME** [bä:lçireme], *iş ady.* Bälçiremek ýagdaýy.

**BÄLÇIREMEK** [bä:lçiremek], *işl.* Oýun etmek, degişmek, bälçiklik etmek. *Bäsdes gyzlar bilen bäsdes ýigitler Bälçirände güýz günleri ýaz bolar* (K. Gurbannepesow) . *Iýersiň, içersiň. Ýeňlemez derdiň. Ukusyz geçendir uzynly gije. Ýene bälçirärsiň: "Çebişiňdenem Bu dümewe şypa ýetjek däl, eje!"* (K. Gurbannepesow) .

**BÄLÇIREMEKLIK** [bä:lçiremeklik], *iş ady.* Bälçiremek ýagdaýy.

**BÄLÇIREŞMEK** [bä:lçireşmek], *işl.* Özara degişmek, bälçiklik edişmek, oýun edişmek, bile bälçiremek. *Olar biri-birine degip bälçireşip başladylar*.

**BÄLÇIREÝIŞ** [bä:lçireýiş], *iş ady.* Bälçiremek ýagdaýy.

**BÄRDENGAÝTMA** [bä:rdenğaýytma], *at.* Bir zadyň aňyrsyna ýetmezlik netijesinde ýüze çykýan kemterlik, kemçilik, säwlik.

**BÄRI** [bä:ri], **1**. Wagt-dowamlylyk görkezýän sözsoňy kömekçi. *Men köp ýyl bäri Aşgabatda ýaşaýaryn.* **2**. Kömekçi sözüň ornuna ulanylýan söz. *Ol ertirden bäri şol işläp otyr.*

◊ **Bäri bakmak** saglygy gowulaşyp ugramak.

**BÄRI-BÄRDE** [bä:ri-vä:rde], *hal.* Golaý ýerde, golaý-goltumda. *Bäri-bärde seniň diýýän obaň barmy näme?*

**BÄRILIGINE** [bä:riliğne], *hal.* Bäri tarapa. *Ol bärligine ylgap gaýtdy.*

**BÄRKI** [bä:rki], *syp.* Sözi aýdýan adama ýakyn tarapdaky, aňyrky däl. *Olar obanyň iň bärki köçesinde ýaşaýar.*

◊ **Iň bärkisi** beýlekileri, başga zatlary göz öňünde tutmadyk bolsa-da öňi bilen, ilki bilen, iň bolmanda. *Biz-ä owarram weli, sen iň bärkisi ejeňi hem ýatlamansyň.*

**BÄRSINDEN** [bä:rsinnen], *hal.* Iň pesi, iň azy, azyndan, pesinden. *Sanab-a göremok weli, ol bärsinden on joýa dagy gawun ekendir.*

**BÄS** [bä:s], *at.* Özara edilýän ýaryş, jedel.

◊ **Bäs gelmek** hötde gelmek, başarmak, üstün bolmak, ýeňmek. *Ol öz gaharyna bäs gelip bilmän, turup gitdi.*

**BÄSDEŞ** [bä:sseş], *at, syp.* Biri-birinden kem galmajak bolýan, ýaryşýan, bäs edýän, basdaş. *Bäsdeş gyzlar bilen bäsdeş ýigitler Bälçirände güýz günleri ýaz bolar* (K. Gurbannepesow) .

**BÄSDEŞLIK** [bä:sseşlik], *at.* Biri-birinden kem galmajak bolmaklyk. *Okuwda bäsdeşlik etmek*.

**BÄSLEŞIK** [bä:sleşik], *at.* Ýaryş. *Soňky öwrüme ýetilip, jylawlar ýazdyrylanda, bäsleşik ýetjek derejesine ýetdi, kimiň kimdigi belli boldy* ("Türkmenistan").

**BÄSLEŞIŞ** [bä:sleşiş], *iş ady.* Bäsleşmek ýagdaýy.

**BÄSLEŞME** [bä:sleşme], *iş ady.* Bäsleşmek ýagdaýy.

**BÄSLEŞMEK** [bä:sleşmek], *işl.* Biri-birinden üstün çykmak üçin bäs edişmek; ýaryşmak.

**BÄSLEŞMEKLIK** [bä:sleşmeklik], *iş ady.* Bäsleşmek ýagdaýy.

**BÄŞ** [bä:ş], san. **1**. 5 belgisiniň ady we onuň aňladýan sany. *Olar bäş sany dogandylar.* **2**. *gepl. d.*, *ser.* **Bäşlik**. **3.** Ýokary derejede, oňat, örän gowy. – *Keýpler nähili? – Bäş*. **4**. Oglana dakylýan at.

**BÄŞATAR** [bä:şatar], *at.* Daragyna bäş ok ýerleşýän tüpeň.

**BÄŞBARMAK** [bä:şvarmak], *at.* Etli çorba ýaýylyp kesilen hamyr atylyp bişirilýän nahar. *Ejem bäşbarmak bişirdi*.

**BÄŞBETER** [bä:şveter], *syp., gepl.d.* Iň erbet, has ýaman. *Ondan bäşbeter näme gerek saňa?*

**BÄŞDAŞ** [bä:şda:ş], *at.* Bäş sany daş bilen oýnalýan milli çagalar oýny. *Gyzjagazlar hezil edişip bäşdaş oýnap otyrdylar.*

**BÄŞGOŞMA** [bä:şğoşma], *at.* Bäş hatar gaşly bilezik. *Onuň gollarynda bäşgoşma bilezik, barmaklarynda hatara ýüzük bardy* (B. Kerbabaýew).

**BÄŞINJI** [bä:şinji], *san*. 5 sanyndan ýasalan tertip san.

◊ **Bäşinji gün** *gepl.d.* Anna güni. *Bäşinji gün diýlende obadan gaýdyp gelerin.*

**BÄŞLEK-ÜÇLEK** [bäşleğ-üşlök], *san*. Takmynan bäş-üç sany. – *Şularam bolar – diýip, atlylaryň öňüni çekip ugrady. Soňam olaryň yzyndan ýeten bäşlek-üçlek atly boldy* (A.Gowşudow).

**BÄŞLEME** [bä:şleme], *at, edeb.* Bäş setirli şygyr bendi, muhammes. *Bäşleme şygry a a a a a, b b b b a, ç ç ç ç a görnüşinde kapyýalaşýar.*

**BÄŞLIK** [bä:şlik], *at.* **1**. 5 sanynyň ady. **2**. Türkmen mekdeplerinde okuwçynyň bilim derejesine goýulýan iň ýokary baha. *Bäşlik bahalar.* **3**. Käbir zatlaryň ölçegini aňladýan san. *Bäşlik galoş.*

**BÄŞÖRÜM** [bä:şö:rüm], *at.* Gözenek şekilde gyýtaklaýyn degişýän nagyş.

**BÄŞPARA** [bä:şpa:ra], *at.* Gyzyl we ýaşyl kürteleriň ýartmajyndan ýokarlygyna ýaprakly şahajyklara meňzedilip salynýan nagyş.

**BÄŞSEKIM** [bä:şsekim], *at.* Iki zolak gaýmanyň ýa-da çitilen goşa çyzygyň içine salynýan we bäş-bäşden gaýalýan gaýma ýa-da top-top ýönekeýje çitim.

**BÄÝ** [bäý], *üml., ser.* **Bä**. *Bäý, munuň owadandygyny!*

**BÄZBENT** [bä:zvent], *at, zergärç.* Egne dakylýan ortasy gaşly tegelek bezeg şaýy.

**BI** [bi:] **I**, Köplenç, sözüň öňünden goşulyp, goşulan sözüne ret ediji, ýokluk manysyny berýän goşulma. *Bihabar, biakyl, biabraý we ş.m.*

**BI** [bi:] **II**, Buýrulan ýumuş kyn görlüp, köplenç, çagalar, ýaş oglanlar tarapyndan aýdylýan ümlük.

**BIABRAÝ** [biýa:vyraý], *syp.* Abraýsyz, abraýy gaçan, wejera, masgara.

**BIABRAÝÇYLYK** [biýa:vyraýçylyk], *at, ser.* **Biabraýlyk**. *Uly biabraýçylygyň üstünden baraýjak ýaly ýaýdanýarlar.*

**BIABRAÝLYK** [biýa:vyraýlyk], *at.* Abraýsyzlyk, abraýdan düşmeklik, masgaralyk, wejeralyk.

**BIADYL** [biýadyl], *syp.* Adalatsyz, adalatly däl, adyl däl. *Kylsaň biadyl perman, Diýmen: "Ýaman azaryň", jan şährinde gördüm men seniň yşky bazaryň* (Magtymguly).

**BIADYLLYK** [biýadyllyk], *at.* Adyl dällik, adalatsyzlyk, adalatly dällik.

**BIAGYRY** [biýa:ğyry], *syp.* Hiç zat dogrusynda aladalanmaýan, ünji etmeýän, geleňsiz, biperwaý, agyry etmeýän. *Çaga terbiýesine biagry bolmalyň.*

**BIAGYRYÇYLYK** [biýa:ğyryçylyk], *at, ser.* **Biagyrylyk**.

**BIAGYRYLYK** [biýa:ğyrylyk], *at.* Hiç zat dogrusynda alada, ünji etmezlik, geleňsizlik, biperwaýlyk, agyry etmezlik.

**BIAJAL** [biýajal], *syp.* Ajaly ýetmedik, ajalsyz. *Her haýsyň bir ýerde beýhuda gezmäň, Biajal ölmenem, umydy üzmäň* ("Görogly").

**BIAKYL** [biýakyl], *syp., at.* Akyly, düşünjesi ýok, akylly däl, akylsyz. *Many, söz aňlamaz biakyl adam* (Magtymguly). *Biakyllar heňňam gurar, Eşret istär rahat bile* (Magtymguly).

**BIALAÇ** [biýala:ç], *syp.* Alajy bolmadyk, alaçsyz, çäresiz, nalaç. *Şeýdip bu möjek hem bialaç gurrukda galybermeli bolýar* ("Türkmen halk ertekileri").

**BIALAÇLYK** [biýala:şlyk], *at.* Alaç tapmazlyk, alaçsyzlyk, çäresizlik, nalaçlyk. *Bialaçlykdan agyr dert ýok.*

**BIARMAN** [biýarma:n], *syp.* Maksady ýerine ýeten, eden arzuwy ýerine gowşan, armansyz. *Goý, bu ýigit biarman bolmasyn* ("Görogly").

**BIBAŞ** [bi:vaş], *syp.* **1**. Terbiýe görmedik, başyna giden, tertipsiz, terbiýesiz, kakabaş. *Irginim bibaş adamlar bilen iş salyşmak.* **2**. Başsyz, ýolbaşçysyz. *Abat bolmaz, durmaz döwlet, Hiç ülke bibaş bolmasyn* (Magtymguly).

**BIBAŞLYK** [bi:vaşlyk], *at.* Terbiýe görmezlik, başyna gidenlik, terbiýesizlik, tertipsizlik, kakabaş.

**BIBAT** [bi:va:t], *syp.* **1**. Abat däl, sandan çykan, ulanyşdan galan, döwlüp-ýenjilen, bozulan. *Abat öýüň bilbili, bibat öýüň baýguşy* (Nakyl). **2**. *göç.m.* Hojalygy, ykdysadyýeti pese düşen, yza galan, weýran bolan, tozan.

**BIBATÇYLYK** [bi:va:tçylyk], *at, ser.* **Bibatlyk**.

**BIBATLAMA** [bi:va:tlama], *iş ady.* Bibatlamak ýagdaýy.

**BIBATLAMAK** [bi:va:tlamak], *işl.* **1**. Sandan çykarmak, ulanyşdan galdyrmak, döwüp-ýençmek, bozmak. **2**. *göç.m.* Hojalygy, ykdysadyýeti pese düşürmek, yza galdyrmak. *Ekin meýdanyny bibatlamak bolmaz.*

**BIBATLAMAKLYK** [bi:va:tlamaklyk], *iş ady.* Bibatlamak ýagdaýy.

**BIBATLAÝYŞ** [bi:va:tlaýyş], *iş ady.* Bibatlamak ýagdaýy.

**BIBATLYK** [bi:va:tlyk], *at.* **1**. Sandan çykanlyk, ulanyşdan galanlyk, döwük-ýenjiklik, bozuklyk. **2**. *göç.m.* Hojalygy, ykdysadyýeti pese düşenlik, yza galanlyk.

**BIBI** [bi:vi], *at.* **1**. Ruhanylar maşgalasynyň aýal-gyzlarynyň atlarynyň yzyndan ýa-da öňünden getirilip, hormat üçin ulanylýan söz. **2**. *gepl. d.* Özüňden uly aýal doganyňa, kakaň aýal doganyna ýüzlenilip aýdylýan paryndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz, ejeke. **3**. Gyza dakylýan at.

**BIÇAK** [bi:çak], *hal.* Çendenaşa, çaksyz, ummasyz, örän. *Şu işiň ähmiýetiniň biçak uly bolmagy mümkin.*

**BIÇDIRMEK** [bişdirmek] **I**, *işl.* Geýim-gejim tikmek üçin matany we ş.m. başga birine ölçedip kesdirmek. *Keteni köýnek biçdireliň, Ýakasyn keç açdyralyň* ("Görogly").

**BIÇDIRMEK** [bişdirmek] **II**, *işl.* Erkeklik mäzini kesdirip aýyrtmak. *Erkek maly biçdirmek.*

**BIÇEM** [bi:çem], *hal, ser.* **Biçeme**. – *Bolsa bolýandyr. Biçem däl* (A. Gowşudow).

**BIÇEME** [bi:çeme], *hal.* **1**. Çemesiz, tagaşyksyz, çemesi bolmadyk. *Şu aýdanyň-a biçeme däl* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *gepl.d.* Örän, çakdanaşa, artykmaç. *Sazy biçeme gowy çalýan ekeniň* ("Görogly").

**BIÇÄRE** [bi:çä:re], *syp.* **1**. Biriniň kömegine mätäç, çäresiz, alaçsyz. *Iliňden gitseň awara, Şonda bolar sen biçäre* (Magtymguly). **2**. Görgüli, pahyr, betbagt, kösenen.

**BIÇÄRELIK** [bi:çä:relik], *at.* **1**. Biriniň kömegine mätäçlik, çäresizlik, alaçsyzlyk. **2**. Görgülilik, pahyrlyk, betbagtlyk.

**BIÇILMEK I**, *işl.* Geýim-gejim tikilmek üçin mata we ş.m. ölçelip kesilmek. *Olar her günde ýüzlerçe geýimiň biçilmegini üpjün etmelidirler.*

**BIÇILMEK II**, *işl.* Erkeklik mäzi kesilip aýrylmak.

**BIÇIM**, *at.* Biçüw nusgasy, biçüw görnüşi; biçüw. *Bularyň hemmesi bir biçimde tikilipdir.*

**BIÇIMÇI**, *at.* Tikiljek geýimi biçýän ussa. *Ol ökde biçimçi.*

**BIÇIMÇILIK**, *at.* Biçimçiniň käri, ýagdaýy. *Mekdepde okuwçylara tikinçilik, biçimçilik işleri hem öwredilýär.*

**BIÇINMEK**, *işl.* Özüň üçin biçmek. *Köýnek biçindi.*

**BIÇIŞ I**, *iş ady.* Biçmek ýagdaýy.

**BIÇIŞ II**, *iş ady.* Biçmek ýagdaýy.

**BIÇIŞDIRMEK I**, *işl.* Geýim-gejim, aýakgap tikmek üçin matany we ş.m. ölçeşdirip biçip çykmak. *Köýneklik matalary biçişdirdim.*

**BIÇIŞDIRMEK II**, *işl.* Erkeklik mäzini kesişdirmek, aýyrmak. *Erkek owlak-guzulary biçişdirmek.*

**BIÇIŞMEK I**, *işl.* Biçmäge kömekleşmek; bilelikde biçmek. *Ol ejesine geýim biçişýär.*

**BIÇIŞMEK II**, *işl.* Erkek mallary biçmäge kömekleşmek.

**BIÇME I**, **II** *iş ady.* Biçmek ýagdaýy.

**BIÇMEK I**, *işl.* Geýim, aýakgap tikiljek matany, göni we ş.m. ülňi boýunça ölçäp kesmek. *Bu ýerde okuwçylar geýimleri biçmegi we tikmegi öwrenýärler.*

**BIÇMEK II**, *işl.* Erkeklik mäzini kesip aýyrmak.

**BIÇÜW**, *at.* **1**. *ser.* **Biçim**. *Depesi çürüräk gadymy biçüwde tikilen telpegini geýerdi* (A. Gowşudow). **2**. *göç.m.* Daş görnüş, sypat, gabara. *Özüniň biçüwi boýunça kelteräk adam.*

**BIDAR** [bi:da:r], *syp., k. d.* Oýa; habarly, hüşgär, seresap, ägä. *Ýüzüge gülap suwuny urup bidar kyldylar* ("Gül-Senuber").

**BIDENE**, *at ösüml.d.* Ýabany hem medeni otjumak dermanlyk ösümlik, pidene, narpyz.

**BIDEREK** [bi:derek], *syp.* **1**. Dereksiz, derde ýaramaýan, hiç zada ýaramaýan, ulanyşdan galan, peýdasyz. *Öýdäki biderek zatlary garagurumça tabşyrmak gerek.* **2**. Howaýy, netijesiz, boş. **3**. Ugursyz, bolgusyz, artykmaç. *Biderek gykylygyň kime geregi bar?* (B. Kerbabaýew). **4**. Nähak, sebäpsiz, esassyz, ýersiz. *Meniň şu ýigrençlerim biderek däldir* (A. Gowşudow). **5**. Bikär, boş, işsiz. *Dursunyň-da biderek oturýan çagy ýadyna düşmeýärdi* (B. Kerbabaýew).

**BIDEREKÇILIK** [bi:derekçilik], *at, ser.* **Bidereklik**.

**BIDEREKLIK** [bi:dereklik], *at.* **1**. Dereksizlik, derde ýaramazlyk, peýdasyzlyk. **2**. Howaýylyk, netijesizlik, boşluk. *Gürrüňi uzaltmak bidereklikdi.* **3**. Ugursyzlyk, bolgusyzlyk. *Ol gürrüňiň biderekligi aýan boldy*. **4**. Nähaklyk, sebäpsizlik, esassyzlyk, ýersizlik. *Biderekli̇ge ýol berilmeli däl.***5**. Bikärlik, boşluk, işsizlik.

**BIDÄNE** [bi:dä:ne], *at.* Üzümiň dänesiz görnüşi.

**BIDIN** [bi:di:n], *hal.* Rugsatsyz, maslahatsyz, ygtyýar alman, geňeşsiz, idinsiz. *Menden bidin bir hokga çykaraýmagyn!* (N. Jumaýew).

**BIDINLIK** [bi:di:nlik], *at.* Rugsatsyzlyk, geňeşsizlik, maslahatsyzlyk.

**BIDÖWLET** [bi:döwlöt], *syp.* **1**. Maly-mülki bolmadyk, döwlete eýe bolmadyk, döwletsiz. *Bir bidöwlet bilen birge bolynçaň, Döwletliniň gapysynda gul bolgul* (Magtymguly). **2**. Ulalyp-oňalmadyk, ugursyz; garamaňlaý. *Obada jeň tapsa, sansyz bidöwlet, Mert oglunyň depesinden muş döker* (Magtymguly). **3**. *gepl.d.* Käýinji, zeýrenji aňladýan söz.

**BIDÜZGÜN** [bi:düzğün], *syp.* **1**. Düzgünsiz, tertipsiz, edepsiz, garagol. *Bidüzgün oglan.* **2**. Serenjam berilmedik, tertibe salynmadyk. *Bidüzgün zatlar düzgüne salynýar* (B. Kerbabaýew).

**BIDÜZGÜNÇILIK** [bi:düzğünçülük], *at, ser.* **Bidüzgünlik**.

**BIDÜZGÜNLIK** [bi:düzğünlük], *at.* **1**. Düzgünsizlik, tertipsizlik, edepsizlik, garagolluk, bidüzgünçilik. *Hormatly başlyk, bidüzgünlik emele gelmez ýaly, şol teklibi sese goýmagyňyzy haýyş edýärin* (B. Kerbabaýew). **2**. Serenjam berilmezlik, tertibe salynmazlyk.

**BIEDEP** [biýedep], *syp.* **1**. Edepsiz, terbiýesiz, edep-ekramy bilmeýän. *Biedep oglan*. **2**. Gelşiksiz, ugursyz, ýaramaz. *Men sizden beýle biedep zada garaşmaýardym.* **3**. Käýinç hökmünde ulanylýan söz. *Biedep, näme beýdip otyrsyň?*

**BIEDEPLIK** [biýedeplik], *at.* Edepsizlik, terbiýesizlik, edep-ekramly dällik, ugursyzlyk, ýaramazlyk. *Özüňden ula salam bermezlik biedeplik hasaplanýar. Çendenaşa gaty ses bilen gülmeklik biedeplikdir.*

**BIGADYR** [bi:ğadyr], *syp.* Gadyrsyz, gadyr bilmeýän. *Bigadyr gardaşdan gadyrly ýat hem, Nadan dostdan dana duşman ýagşydyr* (Zelili).

**BIGADYRLYK** [bi:ğadyrlyk], *at.* Gadyrsyzlyk, gadyr bilmezlik.

**BIGAM** [bi:ğam], *syp.* Gamsyz, aladasyz, ünjüsiz.

**BIGAMLYK** [bi:ğamlyk], *at.* Gamsyzlyk, aladasyzlyk, ünjüsizlik, perwaýsyzlyk.

**BIGAPYL** [bi:ğa:pyl], *syp.* Habarsyz, duýdansyz. *Tur, ýaryň apardylar, Bigapyl ýatan oglan!* (Halk döredijiliginden).

**BIGAPYLLYK** [bi:ğa:pyllyk], *at.* Habarsyzlyk, duýdansyzlyk.

**BIGAÝRAT** [bi:ğaýra:t], *syp.* **1**. Gaýratsyz, gaýraty ýok, gaýratly däl, gaýraty çatmaýan, namart, edensiz. *Eý ýaranlar, bir bigaýrat ýigidiň, Müň ýaman söz aýtsaň, janyna degmez* (Magtymguly). **2**. Käýinç söz. *Häý, bigaýrat diýsänim!*

**BIGAÝRATÇYLYK** [bi:ğaýra:tçylyk], *at., ser.* **Bigaýratlyk**.

**BIGAÝRATLAMAK** [bi:ğaýra:tlamak], *işl.* Bigaýratlyk etmek, ähdiňden dänmek, namartlyk etmek. *Bigaýratladyň, onsoňam namardy kowalan namartça-da bolmaz* ("Edebiýat we sungat").

**BIGAÝRATLYK** [bi:ğaýra:tlyk], *at.* Gaýratsyzlyk, ähdiňde durmazlyk, namartlyk. *Beýik şahyr öz goşgularynda bigaýratlyk, gopbamlyk we şuňa meňzeş ýaramaz häsiýetleri ötgür söz bilen nyşana alýar* ("Mugallymlar gazeti").

**BIGÄNE** [bi:ğä:ne], *at.* Öz garyndaşyň däl-de, başga adam, ýat, keseki. *Bigäne tutma özüňni! Eşitgil zaryn sözümni!* (Halk aýdymy). *Oturşy bir, köňli aýry gardaşdan, Şirin mylakatly bigäne ýagşy* (Zelili).

**BIGÄNELIK** [bi:ğä:nelik], *at.* Ýatlyk, kesekilik.

**BIGÜNÄ** [bi:ğünä:], *syp.* Günäsi ýok, günäli däl, günäsi bolmadyk, günäsiz, ýazyksyz. *Siz bigünä adamyň göwnüne degdiňiz* (Ş. Borjakow).

**BIHABAR** [bi:habar], *syp.* Habarsyz, habary ýok, habary bolmadyk. *Bihabar adam. Men-ä bu zatlardan bihabar.*

**BIHABARLYK** [bi:habarlyk], *at.* **1**. Habarsyzlyk, hiç zatdan habary ýokluk. **2**. Habarsyz galmaklyk. *Bu bihabarlygyň etdirýän zady.*

**BIHAL** [bi:ha:l]: **bihal däl** ýöne adam däl, keramatly, gudratly manysynda ulanylýan söz düzümi.

**BIHASAP** [bi:hasa:p], *syp.* **1**. Hasapsyz, hasap-hesipsiz. *Durmuşda bihasap zat ýok.* **2**. Biderek, ýönekeý. *Şu ýandak bihasap ösümlik däldir*. **3**. Ummasyz, çendenaşa, san ýetmez. *Derdim artdy bihasap, Lukman soramaz nygtap* (Magtymguly).

**BIHATA** [bi:hata:], *syp.* Günäsiz.

**BIHAÝA** [bi:haýa:], *syp.* Haýasyz, utançsyz, haýasy gaçan. *Bihaýa, masgara, ile gülküdir* (Ata Salyh).

**BIHAÝAÇYLYK** [bi:haýa:çylyk], *at, ser.* **Bihaýalyk**. *Bihaýaçylyk etmek.*

**BIHAÝALANMA** [bi:haýa:lanma], *iş ady.* Bihaýalanmak ýagdaýy.

**BIHAÝALANMAK** [bi:haýa:lanmak], *işl.* Her hili erbetlige ýüz urmak, utanjy gaçmak, haýasyzlanmak.

**BIHAÝALANYŞ** [bi:haýa:lanyş], *iş ady.* Bihaýalanmak ýagdaýy.

**BIHAÝALYK** [bi:haýa:lyk], *at.* Haýasyzlyk, utançsyzlyk. *Emma soňky eden bihaýalyklary meniň etimden ötüp, süňküme ýetdi* (B. Seýtäkow).

**BIHEPBE** [bi:hepbe], *syp.* Hiç bir işiň başyny tutmaýan, hiç bir zadyň aladasyny etmeýän, bikär ýören, hepbesiz. *Hünärsiz, bihepbe adamyny halan gyz tapylarmy?* (A. Gowşudow).

**BIHEPBELIK** [bi:hepbelik], *at.* Hiç bir işiň başyny tutmazlyk, hiç bir zadyň aladasyny etmän, bikär ýörmeklik, hepbesizlik. *Bihepbelige baş goşaýmasyn — diýip, biynjalyk bolýandyr* (A. Nazarow).

**BIHUDA** [bi:huda:], *syp., k. d.* Boş, manysyz, biderek. *Gezmegin bihuda ýerde, Uçrar sen ýowuz derde* ("Görogly"). *Bihuda ýar üçin ýanyp, bişer sen* ("Gül – Bilbil").

**BIHUŞ** [bi:hu:ş], *syp.* **1**. Huşuny ýitiren, huşy giden, huşsuz, özüni bilmän ýatan, beýhuş. *Şol dondan Artygyň ysy kükäp, Aýnany bihuş hala getirdi* (B. Kerbabaýew). **2**. Bir zady çalt ýadyndan çykaragan, ýatkeşligi peselen, huşsuz.

◊ **Bihuş etmek** özünden gidermek, aňyny ýitirtmek; serhoş etmek. *Göroglyny ýatan ýerinde bihuş etdiler* ("Görogly").

**BIHUŞLYK** [bi:hu:şluk], *at.* **1**. Huşuňy ýitirmeklik, bihuş, huşsuz haldalyk. **2**. Bir zady çalt ýadyndan çykarmaklyk, huşsuzlyk, ýatkeşligiň peselmeklik.

**BIJAÝ** [bi:ja:ý] **I**, *syp.* **1**. Ýerliksiz, gödek, gelşiksiz (sözleýiş, özüňi alyp baryş we ş.m. barada). *Munuň diýýänleri-de bijaý aýdylýan sözler däl* (B. Seýtäkow). **2**. Ulanmaga oňaýsyz, amatsyz, tagaşyksyz. *Biz-ä bilemzok, kaka, bolýan jaýymyz bir bijaý ýer* (Halk ertekisi).

**BIJAÝ** [bi:ja:ý] **II**, *köm.s.* Örän, juda, gaty güýçli. *Seniň sag gaýdyp gelmegiň meni bijaý guwandyrdy* (B. Kerbabaýew). *Düýn howa bijaý yssy boldy.*

**BIJAÝLYK** [bi:ja:ýlyk], *at.* Ýerliksizlik, gelşiksizlik, gödeklik; ýaramaz iş. *Ogly bir bijaýlyk edipdir.*

**BIJE** [bi:je], *at.* Gezegi, paýy, tertibi we ş.m. kesgitlemek üçin çekilýän belgili çöp ýa-da ýazgyly kagyz. *Nowruz geldi bu gije, Gyzlar atarlar bije* (Monjugatdydan). *Meniň bijäme gaty gowy ýer düşdi* (A. Gowşudow).

◊ **Bijesi çykmak** bir ýagdaýda döwüň rüstem gelmek, utmak. *Kimiň bijesi çyksa, baýragy horaz jüýje* (Monjugatdydan). **Bijesi galmak** döwüň pes gelmek, işiň şowsuz bolmak, utdurmak, utulmak. *Aşyryň bijesi galdy – diýip, gumalagy eliniň tersi bilen zyňyp goýberdi* (B. Kerbabaýew).

**BIJEBAŞY** [bi:jevaşy], *at.* **1**. Bije atylanda bijesi ilkinji çykan. **2**. *göç.m.* Iň saýlantgysy, iň gowusy; naýbaşy. *Olardan bijebaşy bolar ýalysy ýok*. *Şolardan birini bijebaşy etmeli bolsa, onda ilki bilen gämi abatlaýjy kärhanany agzamaly bolardy* ("Türkmenistan").

**BIJEDEŞ** [bi:jedeş], *at.* Özüň bilen bijä deň gatnaşýan adam.

**BIJELI** [bi:jeli], *syp.* Bije çekişýän, bije çekmäge gatnaşýan. *Bijeli oglan aglamaz* (Nakyl).

**BIJIN** [bi:jin], *at, kön.s.* **1**. Maýmyn. **2**. Müçe ýyl hasabynda dokuzynjy ýylyň ady. *Guwanmagyn baýlygyňa, bijin bardyr öňüňde* (Atalar sözi).

**BIKANUN** [bi:ka:nu:n], *syp.* Kanunsyz, kanuna laýyk bolmadyk, kanuna esaslanmadyk.

**BIKANUNÇYLYK** [bi:ka:nu:nçuluk], *at, ser.* **Bikanunlyk**.

**BIKANUNLYK** [bi:ka:nu:nluk], *at.* Kanunsyzlyk, kanuna laýyk dällik, kanuna esaslanmazlyk.

**BIKARAR** [bi:kara:r], *syp.* Karary, takaty ýetmeýän, kararsyz, ynjalyksyz.

**BIKE** [bi:ke], *at.* **1**. Aýal-gyzlara hormat bilen ýüz tutulyp aýdylýan söz, hojaýyn aýal, begim, hanym. **2**. Beýemçi aýal. *Bir öýüň bikesi bolup otyr*. **3**. Gyza dakylýan at.

**BIKEMAL** [bi:kema:l], *syp.* Kemalsyz, pähimli bolmadyk, ulalyp-oňalmadyk.

**BIKEMALLYK** [bi:kema:llyk], *at.* Kemalsyzlyk, ugursyzlyk.

**BIKÄR** [bi:kä:r], *syp.* **1**. Işsiz entäp ýören, iş etmän boş gezip ýören. *Bikärden taňry bizar* (Nakyl). *Olar ol ýerde bikär ýatan däldirler* ("Görogly"). **2**. Boş, biderek, ugursyz, nähak. *Bir okuňyz hem bikär geçmesin – diýip gygyrdy-da, atmaga buýruk berdi* (Halk ertekisinden).

**BIKÄRÇILIK** [bi:kä:rçilik], *at, ser.* **Bikärlik**. *Ýaltaçylygy, bikärçiligi taşladyk.*

**BIKÄRLIK** [bi:kä:rlik], *at.* **1**. Işsizlik, işsiz ýörmeklik, işlemezlik.

**BIL** [bi:l], *at.* **1**. Göwräniň guşak guşalýan ýeri, guşaklyk. *Dil bilen orak orsaň, bil agyrmaz* (Nakyl). *Bilime guşak, atyma duşak* (Sanawaçdan). **2**. Uzyn ýa-da beýik zadyň orta kesimi, bölegi. *Agajyň bili egrelipdir. Dagyň bilinde tokaý döräpdir.* **3**. *göç.m.* Bir zadyň üsti.

◊ **Bil baglamak** birine ýa-da bir zada ynanmak, birine ýa-da bir zada ynam etmek. *Dostluk, doganlyk, agzybirlik, adalatlylyk, parahatçylyk ýoly bilen ýöräp, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistany kuwwatly, beýik döwlete öwürmekde mähriban halkyma bil baglaýaryn* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr"). **Bil bermek** **1)** orta bilinden egrelmek, ýaý bermek, egilmek. *Jaýyň üçegi bil beripdir.* **2)** güýçden galmak, ejizlemek, garramak. **Bil bükmek** biriniň öňünde ejizlemek, biriniň öňünde boýun burmak. **Bili açylmak** aýbaşy gelmek. **Bili bekemek** güýjüne gelmek, berdaşlanmak. *Onuň eýýäm bili beukäp boýy ýetipdir.* **Bili bükülmek** güýçden galmak, tapdan düşmek, garramak, kuwwatsyzlanmak. *Şol wagt birden onuň gözüniň öňünde bili bükülen Sähet aga peýda boldy* (A. Gowşudow). **Biline urlan ýylan ýaly bolmak** işden gaçyp, iki bükülen bolmak, buruljamak, towlanjyramak. *Ýeri gelende çopan badagyny salaryn welin, biline urlan ýylan ýaly bolaýar* (R. Gelenow). **Biliňi guşamak** gaýrata galmak, her bir işiň, zähmetiň garşysynda ykjam durmak, tijenmek. **Bil ýazmak** birneme dynç almak.

**BILAGYRY** [bi:la:ğyry], *at.* Sowuklamadan, gypjynmadan ýa-da başga zeper ýetmekden bilde döreýän agyry. *Mollagaranyň duzly gara palçygy bilagyry, bogun hem-de damar kesellerini bejermekde ýaramlydyr.*

**BILAGYRYLY** [bi:la:ğyryly], *syp.* Bilagyra sezewar bolan, bilagyry derde ýolugan.

**BILBAG** [bi:lva:ğ], *at, gepl.d.* Bile daňylýan bag, guşak.

**BILBAGLYK** [bi:lva:ğlyk], *syp.* Bilbag üçin niýetlenen (ýüp, ýaglyk we ş.m.)

**BILBIL** [bilvil], *at.* **1**. Serçeler maşgalasyndan bolan, goňur-çal reňkli saýrak guş. *Bilbiller istär – göçe, Bag-u bostana sary* (Magtymguly). **2**. Adam ady.

◊ **Bilbil ýaly saýramak** ýakymly gürrüň etmek, labyzly aýdym aýtmak.

**BILBILGÖÝÄ** [bilvilğö:ýä:], *at.* Ertekilerde göýä adam dilinde gepleýän guş.

**BILÇEKI** [bi:lçeki], *at.* Atyň eýerini, eşegiň gaňňasyny berkitmek üçin garnynyň aşagyndan aýlap daňylýan halkaly gaýyş.

**BILÇEKILIK** [bi:lçekilik], *syp.* Bilçeki üçin niýetlenen gaýyş.

**BILDIR** [billir], *hal.* Öten ýyl, geçen ýyl. *Bahanam akja bäbek, bildir bolsaň bolmadymy* (Nakyl). *Goturdepeli bir şadyýan ýaş ýigit bilen bildir bolan gyzykly duşuşygymy ýada saldy* ("Edebiýat we sungat").

**BILDIRILMEK** [billirilmek], *işl.* **1**. Bir zat mälim edilmek, habar berilmek, birine bir zat hakynda aýdylmak. **2**. Aňladylmak, duýdurylmak.

**BILDIRIŞ** [billiriş], **1**. *iş ady.* Bir zady bildirmek ýagdaýy. **2**. *at.* Bir mesele boýunça ýazuw ýa-da dil üsti bilen edilýän habar. *Bildiriş asmak.*

**BILDIRIŞMEK** [billirişmek], *işl.* Bildirip durmak, mese-mälim bolup durmak (köp zat hakda). *Damarlary göm-gök bolup bildirişip durdy* ("Edebiýat we sungat").

**BILDIRKI** [billirki], *syp.* Öten ýylky, geçen ýylky.

**BILDIRMEK** [billirmek], *işl.* **1**. Bir zady birine mälim etmek, biler ýaly etmek, habarly etmek, duýdurmak. *Bilmedige – bildirin, bileni – öldirin* (Gadymdan gelýän ynanç). **2**. Aňlatmak, aýtmak. *Ol goňşusyna duýgudaşlyk bildirdi*. **3**. Yzy göze görnüp durmak. *Ýaranyň yzy bildirip dur.*

**BILDIRTMEK** [billirtmek], *işl.* Biler ýaly etdirmek.

**BILE**, *köm. s.* **1**. *ser.* **Bilen**. *Aman bile Aýna ikinji synpda okaýarlar*. **2**. Birlikde, bilelikde, bileleşip. *Namart bilen ýola barma, Bile ýatyp, bile turma* ("Görogly"). **3**. *hal.* Goşulyp, birleşip. *Bile ýazylýan goşma sözler.* **4**. Boýunça, arkaly, üsti bilen. *Magtymguly, öwüt bergil söz bile, Eşiden deň bolmaz, gören göz bile* (Magtymguly).

**BILEGEN** [bileğen], *syp*. Her bir zady köplenç ýagdaýda bilýän. *Synçy adam täsin zatlary-da bilegendir.*

**BILEK**, *at.* Eliň tirsek bilen goşar aralygy. *Bilegi ýogyn birini ýykar, bilimi bolan – müňüni* (Nakyl).

◊ **Bilek ýaly** ýogyn (saçyň örümi hakda). *Bilek ýaly gara örüm saç aýaklaryna çolaşyp dur* ("Edebiýat we sungat").

**BILEKSE**, *at.* **1**. Gandalyň iki ujundaky goşara ýa-da injige geýdirilýän demir halka. **2**. Daňylýan ýüpüň, kösseginň, duşagyň ujundaky halka. **3**. *zergärç.* Bir setir hakyk gaşlary oturdylan, sadaja nagyşlar bilen

haşamlanan, insizje, tegelek halka görnüşli ýüzüne gyzyl çaýylan kümüşden bilek şaýy (gepleşikde bileksä *bilekhalka, bilekşaýy* hem diýilýär).

**BILELEŞDIRMEK**, *işl.*, *ser.* **Birleşdirmek**.

**BILELEŞIK**, *at.* Bilelikde hereket etmek ýa-da bir işi bile alyp barmak üçin döwletleriň, partiýalaryň, guramalaryň we ş.m. birleşen topary, üýşmeleňi, birleşik. *Milletler guramasynyň bileleşiginde.*

**BILELEŞIŞ**, *iş ady.* Bileleşmek ýagdaýy.

**BILELEŞME**, *iş ady.* Bileleşmek ýagdaýy.

**BILELEŞMEK**, *işl.*, *ser.* **Birleşmek**. *Ol aşak seretdi, ýokaryk garady, mugallym bilen ikisi bileleşip gözledi* (B. Kerbabaýew).

**BILELEŞMEKLIK**, *iş ady.* Bileleşmek ýagdaýy.

**BILELIK**, *at.* **1**. Bir ýerdelik, bile bolmaklyk. **2**. Agzybirlik, birlik.

**BILELIKDE**, *köm. s.* Bir ýerde bile bolup, bile; üýşüp, birleşip, bileleşip. *Hemmämiz bilelikde agzybir işläliň.*

**BILEN**, **1**. Ugurdaşlygy görkezýän baglaýjy ("we, hem" manysynda). *Mugallym bilen okuwçynyň gatnaşygy*. **2**. Öz öňündäki sözüň manysyna ugurdaş many aňladýan kömekçi söz. *Ýabyň içi bilen ýöredi. Ýoluň ýakasy bilen gidibergin.* **3**. *-ly, -li* goşulmasynyň manysynda ulanylýan söz. *Ol usul bilen habar gatdy*.

**BILENI-BITENI** [bileni-viteni], *at.* Bar bilýän zady, elinden gelýän zady. *Onuň bileni-biteni bazara gatnamakdy.*

**BILER-BILIMSEK** [biler-vilimsek], *syp., gepl.d.* Köp zada göz ýetirýän; bilgiç, bilimdar, molla.

**BILERMEN**, *at.* Çözgüdi ýörite bilimleri talap edýän meseleleri çözmek üçin ylym, tehnika, sungat we beýleki ugurlardan hünärmen, ekspert.

**BILESIGELIJI** [bilesiğeliji], *syp.* Hemme zady bilmek üçin gyzyklanýan. *Oba adamlary bilesigeliji bolýarlar.*

**BILESIGELIJILIK** [bilesiğelijilik], *at.* Hemme zady bilmek üçin gyzyklanyjylyk.

**BILESIGELIJILIKLI** [bilesiğelijilikli], *syp.* Hemme zady bilmek üçin arzuwly, bilesigelijilik höwesi bolan. *Bilesigelijilikli gürrüň*.

**BILET** [bile:t], *at.* **1**. Bir zatdan peýdalanmaga hukuk berýän, köplenç, satyn alynýan tassyklanan resmi kagyz. *Biz otla bilet aldyk. Aýlyk gatnaw bileti. Stadiona, teatra, kino, muzeýe bilet almak.* **2**. Bir gurama, partiýa ýa-da wezipä bolan gatnaşygy, agzalygy tassyklaýan resminama. *Partiýa biletini gowşurmak. Kärdeşler arkalaşygyna agzalyk bileti. Harby bilet.*

**BILEZIK**, *at.* **1**. *zergärç.* Aýallaryň bilegine dakynýan, gyzyl çaýylyp, iki gat kümüşden ýasalan hakyk gaşly bezeg şaýy (bilezigiň ýüzüne oturdylan gaşlaryň setir sanyna görä *bir goşma, iki goşma, üç goşma, dört goşma, bäş goşma... bilezik* diýlip atlandyrylýar). *Şakga-şakga bilezik, On barmakda on ýüzük* (Halk dörejiliginden). *Bilezigimi alan oglan, Beräý indi bilezigimi* (Aýdymdan). **2**. Biz, orak ýaly gurallaryň sapy ýarylmazlyk üçin geýdirilýän demir halka.

◊ **Bilezigiň dişi** bilezigiň goşara dakylýan ýeriniň iki taraplaýyn agzynyň ady (bilezik agzynyň dişleriniň görnüşine görä *ýylankelle bilezik, darakdiş bilezik, düwmediş bilezik* ýaly atlandyrylýar).

**BILGEŞLEÝIN** [bilğeşleýin], *hal.* Göre-bile, göz-görtele, bilkastdan, bilgeşlin, bilgeşländen, bilgeşli.

**BILGEŞLI** [bilğeşli], *hal, ser. gepl.d.* **Bilgeşleýin**. *Ol bilgeşli biziň goňşy gapymyzy kakyp, meni soran kişi bolýar.*

**BILGEŞLIN** [bilğeşli:n], *hal, ser.* **Bilgeşleýin**.

**BILGIÇ** [bilğiç], *at.* **1**. Bilmäge ökde, bilegen. *Beýle zatlary çopan halky bilgiç bolar eken.* **2**. Palçy. *Pylan şäherde bir bilgiç barmyş* ("Türkmen halk ertekileri").

**BILGIÇLIK** [bilğişlik], *at.* **1**. Bir zady bilmäge ukyply bolmaklyk. **2**. Bilgijiň, palçynyň kärini ýöretmeklik, palçylyk.

**BILGILI** [bilğili], *syp.* Bir mesele barada biri bilen habarly. *Siz hemmäňiz bilgilisiňiz* (B. Kerbabaýew).

**BILGIR** [bilğir], *syp.* **1**. *ser.* **Bilegen**. **2**. *gepl. d.*, *ser.* **Bilgiç 2**.

**BILGIRLIK** [bilğirlik], *at.* **1**. Bilmäge ykyply bolmaklyk, bilegenlik. **2**. *ser.* **Bilgiçlik 2**.

**BILGUŞAK** [bi:lğuşok], *at.* Bile daňylýan guşak.

**BILGUŞAKLYK** [bi:lğuşokluk], *syp.* Bilguşak üçin niýetlenen (mata we ş.m. zat hakynda).

**BILIK I**, *at kön. s.* Habar. *Duşmandan bilik sormagyn* (Kätibi).

◊ **Biligi bar** işiň ýagdaýy barada habarly, maglumatly, bilgili. *– Bu işden meniň biligim bar – diýip, Sähet ýüzüni molla Hoşla baka öwürdi* (A. Gowşudow).

**BILIK II**, *at, kön.s.* Bilim.

**BILIM**, *at.* **1**. Okuw, sowat. *Garaşýar ol ýerde saňa, Bilim berjek mugallymlar* (K. Gurbannepesow). *Çagalara asylly terbiýe, durnukly bilim bermek mugallymyň jana-jan borjudyr.* **2**. Okamak netijesinde belli derejede alynýan ylym. *Orta bilim. Ýokary bilim.*

**BILIMDAR** [bilimda:r], *syp.* **1**. Alym, bilimli. *Şuny oýlap tapana bilimdar adam diýäýmeli*. **2**. Dana, pähimli, ýiti düşünjeli. *Ol özüni giň düşünjeli hem bilimdar hasaplaýardy*. **3**. *göç.m.* Köpbilmiş, okumyş. *Ysgyny gidip, halys bolup, bir bilimdar tilkiniň ýanyna maslahata barypdyr* ("Türkmen halk ertekileri").

**BILIMDARLYK** [bilimda:rlyk], *at.* **1**. Alymlyk, bilimlilik. *Ol bilimdarlygy bilen tapawutlanypdyr.*

**2**. Danalyk, pähimlilik, ýiti düşünjelilik. **3**. *göç.m.* Köpbilmişlik, okumyşlyk. *Ol bilimdarlyk satdy*.

**BILIMLI**, *syp.* **1**. Hatly-sowatly. *Bilimli adam.* **2**. Okamak netijesinde belli derejede bilim alan, ylymly. *Ýokary bilimli ýaşlar.*

**BILIMLILIK**, *at.* **1**. Hatly-sowatlylyk. **2**. Ylymlylyk.

**BILIMSEK**, *syp., ser.* **Bilimdar 3**. *Bolduň meň başyma şeýle bilimsek!*

**BILIMSIREMEK**, *işl.* Bilimli bolan bolmak, köpbilmişlik etmek, okumyşlyk etmek. *Oglan ulumsyrar, nadan bilimsirär* (Nakyl).

**BILIMSIZ**, *syp.* Bilimi ýok, bilimli däl.

**BILIMSIZLIK**, *at.* Bilimi ýokluk, bilimli dällik, bilimsiz bolmaklyk. *Bilimsizlik, oglum, gözli körlükdir*.

**BILINMEK**, *işl.* **1**. Bir zadyň üsti açylmak, duýulmak, mälim bolmak, tapylmak. *Bu ýerde gazyň köp gorunyň bardygy bilindi.* **2**. Bir zadyň göwrümi, möçberi kesgitlenmek, mazmuny anyklanmak. *Unly haltanyň agramy bilindi.* **3**. Belli bolup durmak, görnüp durmak (tegmil, menek we ş.m. zatlar hakynda). **4**. Kömekçi işlik hyzmatynda gelýän söz. *Onuň bu pikiri makul bilindi.*

**BILIŞ**, *iş ady.* Bilmek ýagdaýy.

**BILIŞDIRMEK**, *işl.* **1**. Birnäçe zady bir ýanyndan bilip çykmak. *Hal-ahwal soraşyp, doganynyň durmuş-ýagdaýyny bilişdirdi.* **2**. Bir zadyň göwrümini, möçberini anyklaşdyrmak. **3**. Bir zadyň üstüni açyşdyrmak, mälim edişdirmek.

**BILIŞMEK**, *işl.* **1**. Bir zady bilmäge birine kömek etmek, bir zady kesgitlemäge, anyklamaga kömekleşmek. **2**. Biri-biriňden habar alyşmak. *Onuň bilen hal-ýagdaýy bilişdik.*

**BILKASTDAN** [bilkassan], *hal.* Kast bilen edilen, bilgeşleýin, bet niýetli, hyýanat edip. *Hemra bilkastdan çemeni ýaramaz bogdy* ("Saýatly – Hemra").

**BILKASTLAÝYN** [bilkaslaýyn], *hal, ser.* **Bilkastdan**.

**BILME**, *iş ady.* Bilmek ýagdaýy.

**BILMEDIKSIREMEK**, *işl.* Bilýän-de bolsa, bilmedik bolmak. *– Oýa nämişlesin, samraýa-la – diýip, kakasy bilmediksirän boldy* (A. Durdyýew). *– Näme, bilýän zadyňam bilmediksirän bolup dursuň?*

**BILMEK**, *işl.* **1**. Bir zada akyl ýetirmek, bir zatdan habarly bolmak, bir zadyň anygyna göz ýetirmek. *Reýhan arap ahyr bolmajagyny bildi* ("Görogly"). **2**. Bir zady özleşdirmek. *Şahyryň şygyrlaryny köpimiz ýatdan bilýäris.* **3**. Syzmak, duýmak. *Gyzym, naharyň duzuny dat-da, tagamyny bil.* **4**. Tanamak, tanyş bolmak. **5**. Bir işi, wezipäni ýerine ýetirmegi başarmak, oňarmak. *Bilen bilenin işlär, bilmedik barmagyny dişlär* (Nakyl). *Bilene ýagty, bilmedige garaňky* (Nakyl). **6**. Kömekçi işlik hyzmatynda gelip, öňünden hal işlik formasynda gelýän sözüň manysyna görä bir işi etmegi "başarmak" manysyndaky düzümli işligi ýasaýar: **Ýüzüp bilmek** ýüzmegi başarmak. **Okap bilmek** okamagy başarmak. **Ýazyp bilmek** ýazmagy başarmak.

**BILMEKLIK**, *iş ady.* Bilmek ýagdaýy.

**BILNER-BILINMEZ** [bilner-vilinmez], *syp.* Çala mälim bolan we mälim bolmadyk. *Bilner-bilinmez belalardan özi gorasyn* (Dileg).

**BILNIKLI**, *syp.* Äşgär, aýan, belli bolan.

**BILNIKSIZ**, *syp.* Äşgär bolmadyk, aýan bolmadyk, belli bolmadyk, bilinmedik. *Ol hereketini bilniksiz üýtgetdi.*

**BILÝÜP** [bi:lýüp], *at.* Gara öýüň täriminiň daşyndan aýlanyp daňylýan ýüp. *Öýümize bilýüp dokadym.*

**BIMAHAL** [bi:mahal], *hal, ser.* **Biwagt**.

**BIMAMLA** [bi:ma:mla], *hal.* **1**. Mamla däl, hak däl, dogry däl. **2**. Müýnli, ýazykly, günäli, günäkär. *Oňa gysgajyk jogap gaýtaranda, Artygyň sesi-de bimamlaňky ýaly eşidildi* (B. Kerbabaýew).

**BIMAMLALYK** [bi:ma:mlalyk], *at.* **1**. Mamla dällik, hak dällik, dogry dällik. *Eger-de biriniň bimamlalygyna gözüm ýetse, men onuň ýüzüni sypap bilmezdim* (B. Kerbabaýew). **2**. Müýnlülik, ýazyklylyk, günälilik, günäkärlik.

**BIMANY** [bi:ma:ny], *syp.* **1**. Manysyz, mazmunsyz, ugursyz, biderek. **2**. Hiç bir ähmiýeti, peýdasy bolmadyk, haýyrsyz, netijesiz. *Ömrüni bimany ötürmek, adam ogluna gelişmez.*

**BIMAR** [bi:ma:r], *syp., kön.s.* Näsag, hassa, nähoş. *Ne peridir, gülüp bakar ýüzüňe, Oňa gözi düşen hassa, bimardyr* (M. Seýidow).

**BIMARLYK** [bi:ma:rlyk], *at, kön.s.* Näsaglyk, hassalyk, nähoşluk.

**BIMAZA** [bi:maza:], *syp.* **1**. Garagol, terbiýesiz, ýakymsyz, tertipsiz. *Bimaza oglanlaň gepine gitdim, Bu bolşum düýbünden ýalňyş ekeni* (K. Gurbannepesow). **2**. Ynjalyksyz, birahat. *Gündiz görsem suratyň, Gijeler bimaza men* (Halk aýdymyndan). **3**. Gylyksyz, depek ýa-da gapak, tez (haýwan hakynda). *At bimazadyr, men özüm daňaryn* (H. Derýaýew).

**BIMAZAÇYLYK** [bi:maza:çylyk], *at, ser.* **Bimazalyk**.

**BIMAZALANDYRMAK** [bi:maza:lannyrmak], *işl.* Ynjalyksyzlandyrmak, birahatlandyrmak. *Onuň ertir duşuşmak dogrusynda beren wadasy ony bimazalandyrýardy.*

**BIMAZALANMA** [bi:maza:lanma], *iş ady.* Bimazalanmak ýagdaýy.

**BIMAZALANMAK** [bi:maza:lanmak], *işl.* **1**. Garagollugy artmak, ýakymsyzlanmak. *Ol ulaldygyça bimazalanýar.* **2**. Ynjalyksyzlanmak, rahatsyzlanmak, birahatlanmak. *Alada köp bolany sebäpli bimazalanýaryn*.

**BIMAZALANYŞ** [bi:maza:lanyş], *iş ady.* Bimazalanmak ýagdaýy.

**BIMAZALYK** [bi:maza:lyk], *at.* **1**. Garagolluk, ýakymsyzlyk, tertipsizlik. *Hoşly, biziň oglanlarymyzyň içinde bimazalyk edip ýörenleri ýokdur, beýle gürrüňi men halaman* (A. Gowşudow). **2**. Ynjalyksyzlyk, birahatlyk. *It üýrüzip, bularyň oturyşlaryna bimazalyk salan hem Berdi bolup çykdy* (H. Derýaýew).

**BIMESREP** [bi:mesirep], *syp., kön.s.* Boş, biderek, ähmiýetsiz, manysyz.

**BIMESREPLIK** [bi:mesireplik], *at, kön. s.* Boşluk, bidereklik, ähmiýetsizlik, manysyzlyk.

**BIMÄHREM** [bi:mährem], *syp.* Mähirsiz, mähir-şepagatsyz, mähremsiz. *Goja gyzynyň bimährem kemala gelenine erbet bozuldy, maşgalanyň ar-namysyny ýere çalanyna bolsa diri ýanyp, bir ölüp bilmedi* (T. Gurbanow).

**BIMÄHREMLIK** [bi:mähremlik], *at.* Mähirsizlik, mähir-şepagatsyzlyk, mähremsizlik.

**BIMINNET** [bi:minnet], *syp.* Minnetsiz, özgäniň minnetini çekmeýän. *Minnetli aş iýenden, biminnet daş iý* (Nakyl). *Babageldi gün-güzeran görmegiň, maşgalany dolandyrmagyň biminnet, arassa ýoluny saýlap alan adam* ("Türkmenistan").

**BIMINNETLIK** [bi:minnetlik], *at.* Minnetsizlik, igençsizlik, iňirdisizlik, gyjalatsyzlyk.

**BIMÜREWWET** [bi:müröwwöt], *syp., kön.s.* Mürewwetsiz, ynsapsyz, birehim, binurbat. *Bimürewwet gahba pelek elinden, Bagrym şana-şana dilindi, durnam* ("Saýatly – Hemra").

**BINA** [bina:], *at, gurl.* **1**. Jaýyň düýbi, esasy, binýat. **2**. Jaý, ymarat, desga. *Bina gurmak. Beýik binalar.* **3**. *göç.m.* Bir zadyň düýbi, özeni, başlangyjy.

◊ **Bina bolmak** salynmak, salnyp gutarylmak, gurulmak. *Bu ýerde giň otagly mekdep bina bolar.* **Bina etmek** emele getirmek, düýbüni tutmak, döretmek, salmak, gurmak.

**BINAÇY** [bina:çy], *at.* Ymarat, desga gurýan; gurluşykçy.

**BINAÇYLYK** [bina:çylyk], *at.* Ymarat, desga gurujylyk.

**BINAGÄR** [bina:ğä:r], *at.* Jaý gurluşygy, binagärlik boýunça hünärmen.

**BINAGÄRLIK** [bina:ğä:rlik], *at.* **1**. Gurluşyk sungaty, jaýlary gurmak seneti. **2**. Bina etmek usuly.

**BINAMYS** [bi:na:mys], *syp.* **1**. Namyssyz, hiç bir zady ýüzüne almaýan, arsyz-namyssyz. **2**. *göd. s.* Käýinç söz.

**BINAMYSÇYLYK** [bi:na:mysçylyk], *at, ser.* **Binamyslyk**. *Men beýle binamysçylygy edip bilmen, näme bolsam, ýoldaşym bilen bile bolaryn* (A. Gowşudow).

**BINAMYSLYK** [bi:na:myslyk], *at.* Namyssyzlyk, hiç bir zady namys etmezlik, hiç bir zady ýüzüne almazlyk, arsyz-namyssyzlyk.

**BINESIP** [bi:nesi:p], *syp.* Nesibesiz, nesibesi bolmadyk, nesip etmedik, nesipsiz.

**BINESIPLIK** [bi:nesi:plik], *at.* Nesibesizlik, nesibesi bolmadyk, nesip etmedik, nesipsizlik.

**BINOBAT** [bi:no:vot], *syp.* Nobatsyz, nobaty ýok, nobata durmadyk, nobata garaşmadyk.

**BINOWA** [bi:nowa:], *syp.* Nowasyz, hiç zatsyz, garyp. *Hak kanagatyn elände, Nowaly binowa bolar* (Magtymguly).

**BINURBAT** [bi:nurvot], *syp., kön.s.* Birehim, rehimsiz, zalym, aman bermeýän, geçirimsiz; bimürewwet. *Sen meni köýdürdiň binurbat zalym* (Kemine). *Binurbatdyr gazap, ganym döker sen, Synam üzre tygsyz ýara salan ýar* (Halk aýdymyndan).

**BINYŞAN** [bi:nyşa:n], *syp.* Nam-nyşansyz, atsyz-sorsuz, dereksiz. *Adybegiň yzy binyşan gitdi – diýip, men näumyt bolup ýördüm* ("Görogly").

**BINÝAT** [binýa:t], *at, gurl.* Esas, düýp.

◊ **Binýady tutulmak** düýbi tutulmak, gurulmak, döredilmek, esaslandyrylmak.

**BIOHIMIK** [biýohi:mik], *at.* Biohimiýadan hünärmen.

**BIOHIMIKI** [biýohi:miki], *syp*. Biohimiýa degişli, biohimiýa mahsus, häsiýetli. *Biohimiki ylmy-barlaglar*.

**BIOHIMIÝA** [biýohi:miýa], *at.* Organizmleriň düzümini, gurluşyny, häsiýetlerini, şeýle-de janly materiýa mahsus bolan himiki prosesleri öwrenýän ylym.

**BIOLOG** [biýo:loğ], *at.* Janly tebigatyň, ýaşaýşyň kanunlaryny öwrenýän, janly tebigat boýunça hünärmen.

**BIOLOGIK** [biýolo:ğik], *syp*. Janly tebigata, ýaşaýşa degişli, ýaşaýşyň kanunlaryna laýyk.

**BIOLOGIÝA** [biýolo:ğiýa], *at.* **1**. Janly tebigatyň, ýaşaýşyň kanunlary hakyndaky ylymlaryň toplumy. *Biologiýa ylymlary. Biologiýa ylymlarynyň kandidaty.* **2**. Okuw dersi.

**BIPARH** [bi:parh], *syp.* Parhsyz, perwaýsyz, hiç zada parh goýmaýan.

**BIPARHLYK** [bi:parhlyk], *at.* Parhsyzlyk, hiç zada parh goýmazlyk. *Biparhlyk ýolbaşçy üçin iň ýowuz duşmandyr* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr").

**BIPAÝAN** [bi:paýa:n], *syp., kön.s.* Soňy bolmadyk, biderek, ahyry ýok, çäksiz. *Bipaýan dünýäde jany neýlediň* ("Görogly").

**BIPAÝANLYK** [bi:paýa:nlyk], *at, kön.s.* Soňy ýokluk, bidereklik, ahyry ýokluk, çäksizlik.

**BIPERWAÝ** [bi:perwa:ý], *syp.* Hiç zat hakynda alada, ünji etmeýän, perwaýsyz garaýan, biparh, hiç zada geleň etmeýän, geleňsiz. *Bu dünýä bir düýpsüz derýa, Gark eder, bolma biperwaý* (Magtymguly).

**BIPERWAÝLYK** [bi:perwa:ýlyk], *at.* Perwaýsyz bolmaklyk. *Bu işde biperwaýlygyň öňüni almaly.*

**BIR**, *san.* **1**. 1 belgisiniň ady we onuň aňladýan sany. *Awçy bir gün et iýer, Ýüz gün let iýer* (Nakyl). **2**. Nämälimligi, näbelliligi aňladýan söz. *Bir gije ýatyrdym tünüň ýarynda, Bir tört atly gelip: "Turgul" diýdiler* (Magtymguly). **3**. Ýeke, ýalňyz, diňe. *Şu ýerde bir men galdym*.

◊ **Bir agza bakmak** köpçülik bolup, bir adamyň diýeni bilen hereket etmek, bir adama gulak asmak, agzybir bolmak. **Bir almany iki bölen ýaly** örän meňzeş, biri-birine meňzäp duran. *Bujagaz çagalaryň iki sanysy edil bir almany iki bölen ýalydy.* **Bir aýakdan sürmek** parhlandyrmazlyk, aýyl-saýyl etmezlik, tapawut goýmazlyk. *Hemme adamy bir aýakdan sürmeli däl*. **Bir başa** ýüzüň ugruna, durman, saklanman. *Ol ähli işini bir başa gutardy.* **Bir başy, bir dabany degmek** başagaý bolmak, iş-alada bilen hasanaklap ýörmek. **Bir çukura tüýkürmek** köpçülik bolup belli pikire gelmek, köpçülik bolup bir pikiri makullamak. **Bir demde** çaltlyk bilen, bir bada. *Olary bir demde sanap, soňuna çykar ýaly hem däl* ("Watan"). **Bir elde iki garpyz tutdurmazlyk** birbada iki ýa ondan köp işi ýerine ýetirip bolmazlyk. **Bir gapydan girip-çykmak** bir öýde bile ýaşamak. **Bir gepli (sözli)** wadasyna wepaly, wadasyny ýerine ýetirýän. **Bir gez beýgelmek** bir zat üçin begenip ruhuň göterilmek. **Bir gözde görmek** hemmä bir meňzeş garamak, hemme kişini deň tutmak. *Ol hemmäni bir gözde görjek adalatly, işeňňir, örän sagdyn adam* (B. Kerbabaýew). **Bir gözi aýa bakmak, bir gözi şetdaly kakmak** gözi gyşyk, çaşy. **Bir gulagyndan girip, beýleki gulagyndan çykmak** ýatda saklamazlyk, üns bermezlik, diňlemezlik. **Bir gysym (sykym) bolmak 1)** gaýgy, ünji zerarly horlanmak, iglemek. *Igdir aýaly ýadyna düşende, öňküsinden-de kiçelip, bir gysym boldy* (B. Seýtäkow). **2)** sustuň basylmak, ruhdan düşmek, müzzermek. **Bir howa** birneme wagt aralygy, bir salym. *Ol bir howa ýere seredip oturdy.* **Bir işiň başyny tutmak** bir düýpli işe başlamak, girişmek. **Bir jan (göwre)**, **bir ten bolmak 1)** birikmek, dost, agzybir, bile bolmak. **2)** är-aýal bolup ýaşamak. **Bir janly göwrä öwrülmek** birigip, bilelikde hereket etmek. **Bir meýdan** *ser.* **Bir salym**. *Bir meýdan oýnandan soň, ýene göre girip gitdi* ("Görogly"). **Bir okda iki towşan awlamak** iki bähbidi birden bitirmek. **Bir ölüp, bir direlmek** gaty agyr ýagdaýa düşmek, uly kynçylyk çekmek. *Ene perzendiniň düşen gününe bir ölüp, bir direlýärdi.* **Bir özi** hiç kim bilen däl-de, diňe özi. *Toýa öýlerinden bir özi barypdyr*. **Bir salym** bir azajyk wagt, azajyk wagt, bir meýdan. *Ol bir salymdan gelse gerek.* **Bir sanaç uny artyk iýmek** ýaşy uly bolmak, tejribesi köp bolmak, köpi gören. *Şu oturanlaryň hemmesi sizden bir sanaç uny artyk iýendir* (B. Annageldiýew). **Bir söz az, iki söz köp** ynjyk, sähel zady göwnüne alýan. **Bir süri (**zat, adam**)** *gepl.d.* gaty köp (zat, adam). *Ogluňa bir süri zat getiräýipsiň-le, ony gaty gowy görýäň öýdýän. Köçeden bir süri adam geçip gitdi.* **Bir ugurdan gopmak** pikirdeş bolmak, biri-biriňe raýdaş bolmak. **Bir wagt(lar)** bireýýäm, mundan köp wagt öň. *Olar-a bir wagt şähere göçdi.* **Bir ýeri depip durmak** öz diýeniňi makullatjak bolmak. *Biz diňe bir ýigitlere, at-ýaraga daýanyp, bir ýerini depip hem durmaly däldiris* (N. Saryhanow). **Bir ýüzli etmek 1)** hemmesini ýerbe-ýer etmek, gutarmak, tamamlamak. *Meýdan işleri bir ýüzli edildi.* **2)** eýläk ýa-da beýläk etmek, bir ýaňalyk etmek. *Meseläni basymrak bir ýüzli etmek gerek.* **Bir ýumrugyň artmak** maşgalada çaga sany köpelmek, ogul çaga dünýä inmek. **Bir zaman** *ser.* **Bir salym**. *Dalaşma, dildarym, bir zaman goýgul* (Halk aýdymyndan). **Iki bolup bire degmez** iki adam bolup, bir adamyň oňarýan işini edip bilmeýän, nalajedeýin (adam hakynda). *Siz-ä bir iki bolup bire degmez ekeniňiz, bitiren işiňiz ýok.* **Bir zat diýmek 1**) bir zat aýtmak. **2**) gaty-gaýrym söz aýtmak, ýakymsyz söz diýmek. *Oňa bir zat diýmäge neneň diliň barýar?*

**BIRAGYZDAN** [birağyzzan], *hal.* Agzybirlik bilen, köpçülik bolup, hemmesi bilelikde, bir adam hem çetde durman, biri galman.

**BIRAHAT** [bi:ra:hat], *syp.* Ynjalyksyz, ynjalygy gaçan, rahat tapmaýan, rahat däl, biynjalyk. *Birahat bolmak. Birahat adam.*

**BIRAHATLANDYRMAK** [bi:ra:hatlannyrmak], *işl.* Ynjalyksyzlandyrmak, ynjalygyny gaçyrmak, birahat etmek. *Adamy birahatlandyrmak gowy görülýän däldir.*

**BIRAHATLANMA** [bi:ra:hatlanma], *iş ady.* Birahatlanmak ýagdaýy.

**BIRAHATLANMAK** [bi:ra:hatlanmak], *işl.* Ynjalyksyzlanmak, ynjalygy gaçmak, rahat tapmazlyk. *Beýle birahatlanyp oturmasana!*

**BIRAHATLANMAKLYK** [bi:ra:hatlanmaklyk], *iş ady.* Birahatlanmak ýagdaýy.

**BIRAHATLANMAZLYK** [bi:ra:hatlanmazlyk], *iş ady.* Birahat bolmazlyk.

**BIRAHATLANYŞ** [bi:ra:hatlanyş], *iş ady.* Birahatlanmak ýagdaýy.

**BIRAHATLYK** [bi:ra:hatlyk], *at.* Birahat halda bolmaklyk, ynjalyksyzlyk, ynjalygy ýokluk.

**BIRAZ** [byra:z], *hal.* **1.** Az-kem, az-owlak. *Biraz ganymat bolansoň, Meredi, "Tiz kömegiň" ýumşak maşynynda ynjytman, şähere alyp gaýtdylar* (B. Pürliýew). **2**. Az salym, azajyk wagt. **3**. *göç.m.* Ep-esli wagt. *Men saňa biraz garaşdym, asyl gelmediň-le?!*

**BIRAZAJYK [**byra:zajyk], *hal.* **1**. Sähelçe, köp bolmadyk, örän az mukdarda, azajyk, ujypsyz. *Jübüsinde azajyk puly bardy*. **2**. Azajyk wagt. *Sen maňa birazajyk garaş.*

**BIRAZLAP** [byra:zla:p], *hal, gepl.d.* Ep-esli wagtyň dowamynda, birnäçe wagtlap. *Senem köp garaşdyrdyň, birazlap gelmediň.*

**BIRBADA** [byrva:da], *hal.* **1**. Birden, bada-bat, şol bada, ýüzüniň ugruna. **2**. Ilki, başda, ilkibada.

**BIR-BIRDEN** [bir-virden], *hal.* Ýeke-ýekeden, biri-biriniň yzyndan. *Ýygnakda adamlar bir-birden çykyp geplediler.*

**BIR-BIRI** [bi:r-vi:ri], *çal.* Özli-özi, öz ilen-çalany, öz dogan-garyndaşy, dost-ýary, tanyş-bilşi. *Olar bir-biri bilen gatnaşýarlar.*

**BIRÇAK** [byrçak], *hal, ser.* **Bireýýäm**. *Ekiş birçak başlandy*.

**BIRÇAKKY** [byrçakky], *syp., ser.* **Birwagtky**. *Birçakky waka*.

**BIRDEN**, *hal.* Oslagsyz ýagdaýda, duýdansyzlykda, garaşylmadyk ýagdaýda, birdenkä. *Birdenem asman ähli suwuny döken ýaly, dünýäni suw-sil edip, çabga geldi...* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Älem içre at gezer"). *Asylkysyny aýdanda, eger seniň duluňda hemme esbaplary bilen üpjün ala tow hyrlyň asylgy duran bolmasa ýa-da duluňda päkize jöwher gylyjyň tärimiň başyndan asylgy bolup, işigiňde-de kişňäp duran atyň bolmasa, seniň gapyňda daýhançylyk esbabynyň müňüsi üýşsün, harwar-harwar jöwen, bugdaý, arpa hasyl al, tapawudy ýok, dir gürrüňçilikde birden sen gatyrak güläýseň, ilki bilen öz kowumyňdan biri: "Sen näme gürleýäň, bar çaýryňy çap" diýer* (A. Gowşudow).

**BIRDENKÄ** [birdenkä:], *hal, ser.* **Birden**. *Ine, birdenkä garaşylmadyk mesele ýüze çykdy.*

**BIRE-BIR** [bi:re-vi:r], *syp.* Tüýs, hakyky. *Bu em keseliň bire-bir dermanydyr.*

**BIREHIM** [bi:rehim], *syp.* Hiç kime rehim etmeýän, rehimsiz, doňýürek. *Sähranyň öz peýwagtyna gezýän zyýansyz towşan-tilkileri, hatda birehim ýyrtyjylary-da howpdan gutulmak niýeti bilen özlerine hin agtarýardylar* (B. Kerbabaýew).

**BIREHIMLENIŞ** [bi:rehimleniş], *iş ady.* Birehimlenmek ýagdaýy.

**BIREHIMLENME** [bi:rehimlenme], *iş ady.* Birehimlenmek ýagdaýy.

**BIREHIMLENMEK** [bi:rehimlenmek], *işl.* Rehimsizlenmek, doňýürek bolmak.

**BIREHIMLIK** [bi:rehimlik], *at.* Rehimi ýokluk, rehimli dällik, rehimsiz bolmaklyk, rehimsizlik, doňýüreklik, rehim-şepagatsyzlyk.

**BIREK** [bi:rek], *çal., gepl. d., ser.* **Biri**. *Oglanyň düşünişine görä, häzir birinden ynjarlyk ýa birege hüjüm ederlik hiç bir esas ýokdur* (B. Kerbabaýew).

**BIREK-BIREK** [bi:rek-bi:rek], *çal., gepl.d.* Biri-birisi. *Birek-birek bilen gatnaşyp duralyň*.

**BIRENTEK 1**. *çal.,* Käbir, birnäçe. *Ýelli günler suwda ýüzmeklik birentek ýagdaýlarda kynçylyk döredýär.* **2**. Köp, birtopar, birnäçe.

**BIREW** [biröw], *çal., şahyr., ser.* **Biri**. *Ýatdan çykmaz, görmek dilär, Birewden köňli hoş bolan* (Magtymguly). *Dünýäde bet işdir zor bilen bermek, Birewiň birewe meýli bolmasa* (Zelili).

**BIREÝÝÄM** [bireýýä:m], *hal, ser.* **Birwagt**.

**BIREÝÝÄMKI** [bireýýä:mki], *syp.* Birwagtky, birmahalky.

**BIRGEŇSI** [birğeňsi], *syp.* **1**. Oňat, gowy, enaýy, ýerbe-ýer, göwnejaý. *Ol birgeňsi geýnipdir*. **2**. Üýtgeşik, geň, täsin. *Onuň birgeňsi gülküsi bar.*

**BIRGEŇSILIK** [birğeňsilik], *at.* **1**. Oňatlyk, gowulyk, enaýylyk, ýerbe-ýerlik, göwnejaýlyk. *Jaýymyzyň içi birgeňsilik.* **2**. Üýtgeşiklik, geňlik, täsinlik.

**BIRGIDEN** [birğiden], *syp.* Köp sanly, örän köp, köp mukdarda. *Birgiden zat. Birgiden iş etmek.*

**BIRHILI** [birhi:li], *syp., ser.* **Birtüýsli**. *Onuň bu bolşuna birhili geň galdym*.

**BIRHILILIK** [birhi:lilik], *at, ser.* **Birtüýslülik**.

**BIRI** [bi:ri], *çal.* Kim hem bolsa, bir adam, näbelli şahs. *Biri ylgap barýar.*

**BIRIBAR** [bi:riva:r], *at.* Hudaý, Alla. *Biribar näme ajap bolsa, şony hem ýaradypdyr* ("Türkmenistan").

**BIRI-BIRI** [bi:ri-vi:ri], *çal.* **1**. *ser.* **Bir-biri**. **2**. Biri beýlekisi bilen, özara. *Olar biri-birlerinden öňe geçjek bolup dyzaşýardylar* (B. Seýtäkow).

**BIRIGIŞ** [bi:riğiş], *iş ady.* Birikmek ýagdaýy.

**BIRIGIŞDIRMEK** [bi:riğişdirmek], *işl., ser.* **Birikdirmek**. *Iki bölümi birigişdirmek.*

**BIRIGIŞMEK** [bi:riğişmek], *işl.* **1**. Bir zat başga bir zada goşulyşmak, garyşmak. **2**. Birleşmek, bir ýere toplanmak, bir ýere jemlenmek. *Birigişip işleýäris*.

**BIRIGÜN** [bi:riğün], *hal.* Ertirki günüň ertesi, ýene iki günden. *Aşgabada birigün gitmekçi*.

**BIRIGÜNKI** [bi:riğünkü], *syp.* Birigün bolup geçjek, birigüne degişli bolan. *Birigünki ýygnaga taýýarlanýarys*.

**BIRIKDIRMEK** [bi:rikdirmek], *işl.* **1**. Biri-birine goşmak, goşup birleşdirmek, birigişdirmek. **2**. Bir ýere jemlemek, toplamak.

**BIRIKME** [bi:rikme], *iş ady.* Birikmek ýagdaýy.

**BIRIKMEK** [bi:rikmek], *işl.* **1**. Biri-birine goşulmak, goşulyp garyşmak. **2**. Bir topara goşulmak, birleşmek. **3**. Birleşmek, sepleşmek. *Iki köçäniň birigýän ýeri*.

**BIRIKMEKLIK** [bi:rikmeklik], *iş ady.* Birikmek ýagdaýy.

**BIRIKMEZLIK** [bi:rikmezlik], *iş ady.* Goşulmazlyk, birleşmezlik.

**BIRIN-BIRIN** [bi:ri:n-mi:ri:n], *hal.* Ýeke-ýekeden, ýekeme-ýeke, başdan-aýak, ýekän-ýekän, bir ýanyndan, bir ýan ujundan. *Aman kitaplara birin-birin seredip çykdy.*

**BIRINJI**, *san.* **1**. Bir sanyndan ýasalan tertip san. *Olaryň orny birinji hatarda bolany üçin perde açylmanka oturmaga ýetişdiler* (B. Kerbabaýew). **2**. Ilki, ilkinji. *Meniň bu ýere birinji gezek gelşim.* **3**. *gepl.d.* Iň gowy, iň oňat. *Birinji küştçi. Birinji halyçy.* **4**. *gepl.d.* Ilki äberilýän suwuk nahar (çorba).

◊ **Birinji gün** *gepl.d.* Duşenbe.

**BIRINJIDEN**, **1**. "Ilki bilen, ilkinji nobatda, ozaly bilen" diýen ýaly many aňladýan giriş sözi. *Gidip biljek däl, birinjiden-ä, howa sowuk, galyberse-de başga işim bar.* **2**. Bir tarapdan. *Birinjiden, bu mesele aýdyň.*

**BIRINJILIK**, *at.* Ilkinjilik, ilkinji hatarda bolmaklyk, birinji orunda bolmaklyk. *Ol geçen ýaryşda hemmelerden ozup, birinjiligi aldy.*

**BIRJE**, *syp.* Ýekeje. *Meniň senden başga haýyşym ýok, diňe birje haýyşym bar. Birje çemçe şorja serçe çorbasy* (Ýaňlytmaç).

**BIRŽA** [bi:rža], *at.* Maliýe we uly söwda ylalaşyklary baglaşylýan edara. *Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasy.*

◊ **Birža geleşigi** birža jaýynda, bellenen birža wagtyň içinde baglaşylýan dolanyşyga goýberlen we baha kesilen gymmatlyklary bolan geleşik.

**BIRKEMSIZ**, *syp., hal.* Hiç bir kemi bolmadyk, ýerbe-ýer, gowy, gaty oňat, kem zady ýok. *Birkemsiz bezelen Bagt öýi hem şu ýerde ýerleşýär* ("Türkmenistan")

**BIRKEMSIZLIK**, *at.* Hiç bir kemi ýokluk, ýerbe-ýerlik.

**BIRLE**, *sözs. k., k. d.* **1**. *ser.* **Bile**. *Serweri seda birle, jahan ýüzi abatdyr* (Magtymguly). **2**. *ser.* **Bilen**. *Gögerer ýagmyryň suwy birle ýer* (Magtymguly).

**BIRLEN**, *sözs. k., k. d., ser.* **Bilen**. *Ýagmyry-borany birlen, gyş bolupdyr ýazlarym* (Magtymguly).

**BIRLEŞDIRILMEK**, *işl.* **1**. Jemleşdirilmek, toplaşdyrylmak. *Hasyly wagtynda ýygnamak üçin ähli güýç birleşdirildi.* **2**. Bir zat başga bir zada garyşdyrylmak, biri-birine gatyşdyrylmak. *Goýun sürüleri birleşdirildi.* **3**. Daňyşdyrylmak, berkidişdirilmek, utgaşdyrylmak, sepleşdirilmek.

**BIRLEŞDIRMEK**, *işl.* **1**. Jemleşdirmek, toplaş-dyrmak, birlik döretmek. *Güýjümizi birleşdirdik.* **2**. Bir zady başga bir zada garyşdyrmak, biri-birine goşuşdyrmak. *Sürüleri birleşdirdik*. **3**. Uçlaryny utgaşdyrmak, sepleşdirmek.

**BIRLEŞIK**, *at.* **1**. Ylalaşyk, agzybirlik, birlik. **2**. Gurama, jemgyýet, bileleşik.

**BIRLEŞIŞ**, *iş ady.* Birleşmek ýagdaýy.

**BIRLEŞME I**, *iş ady.* Birleşmek ýagdaýy.

**BIRLEŞME II**, *at.* Belli bir ugur boýunça kämilleşmek maksady bilen geçirilýän ýygnak, üýşmeleň, üýşmek. *Edebiýat birleşmesi*.

**BIRLEŞMEK**, *işl.* **1**. Jemlenmek, toplanmak, birikmek. **2**. Goşulmak, garyşmak, biri-birine gatyşmak. **3**. Birikmek, birigişmek, utgaşmak, sepleşmek. *Simleriň uçlary birleşipdir.* **4**. Birikmek, kesişmek. *Biz ýollaryň birleşýän ýerinde duşuşdyk.*

**BIRLEŞMEKLIK**, *iş ady.* Birleşmek ýagdaýy.

**BIRLEŞMEZLIK**, *iş ady.* Birleşmek işi bolup geçmezlik, amala aşmazlyk.

**BIRLÄN-IKILÄN** [birlä:n-ikilä:n], *hal.* **1**. Ýek-tük, az-kem, bir-iki, käbir. *Birlän-ikilän şowsuz geçen buraw olaryň gözleriniň oduny alypdy* (B. Kerbabaýew). **2**. Seýrek, az duş gelýän.

**BIRLIK I**, *at.* **1**. Umumylyk, birmeňzeşlik. **2**. Bitewilik, tutuşlyk, agzybirlik.

**BIRLIK II**, *at.* **1**. Haýsydyr bir zadyň san bilen aňladylýan ady. *Ownuk pul gerek bolsa, özümdäki birlikleri berip biljek.* **2**. Käbir zatlaryň 1 san bilen aňladylýan ölçegi.

◊ **Birlik san** *-lar, -ler* köplük san goşulmasyny kabul etmedik. *Meselem: Adam – birlik sanda, adamlar – köplük sanda.*

**BIRLIKDE**, *köm. s.* **1**. Köplenç, *bilen* kömekçi sözüniň soňundan gelip, "bilelikde, bile" diýen many aňladýan jemleýji söz. *Şunuň bilen birlikde, abatlaýjy we dörediji ussalar gaz berlişini kadalaşdyrýan abzaly öndürmegi hem özleşdirdiler* ("Türkmenistan"). **2**. Umumylykda, bilelikde. *Men siziň ikiňizi birlikde gutlaýaryn*.

**BIRNEME**, *syp.* Köp bolmasa-da, eslir äk, azda-kände. *Ol toý sowmak üçin birneme pul ýygnapdy. Siz ýowarda birneme işläp bildiňizmi?*

**BIRNÄÇE** [birnä:çe], *çal.* Az sanly, san taýdan birtopar; köp bolmadyk mukdar, wagt. *Birnäçe adam. Birnäçe galam. Birnäçe wagtdan soň.*

**BIRNIÇE**, *çal, gepl.d.* Birnäçe, käbir.

**BIRSYDYRGYN** [birsydyrğy:n], *hal, syp.* Belli bir ýagdaýda, kadaly, bir boluşly, birsyhly.

**BIRSYDYRGYNLYK** [birsydyrğy:nlyk], *at.* Belli bir kadalylyk, belli bir ýagdaýlylyk, bir boluşlyk, birsyhlylyk.

**BIRSYHLY** [birsy:hly], *hal.* **1**. *ser.* **Birsydyrgyn**. *Durmuş birsyhly öňe bakan hereket edýär*

(B. Kerbabaýew). **2**. Yzygiderli, yzy üzülmän gaýtalanýan. *Men adamlar bilen birsyhly pikir alyşýaryn.* **3**. Mydama, hemişe, elmydama, häli-şindi.

**BIRSYHLYLYK** [birsy:hlylyk], *at.* **1**. *ser.* **Birsydyrgynlyk**. **2**. Üznüksizlik, tükeniksizlik, yzygiderlilik, yzy üzülmezlik. *Hereketiň birsyhlylygy*. **3**. Mydamalyk, hemişelik, elmydamalyk, häli-şindi gaýtalanyp durmaklyk.

**BIRTARAPLAÝYN**, *hal.* **1**. Bir tarap boýunça, bir ugur, iki taraply bolmadyk, birýanlaýyn. *Maşynlaryň birtaraplaýyn hereket edýän köçesi.* **2**. Her taraplaýyn däl, birýanlaýyn, giň gerimde beýan edilmeýän. *Bu meselä birtaraplaýyn garalypdyr.*

**BIRTARAPLAÝYNLYK**, *at.* **1**. Bir taraplylyk, bir ugurlylyk, birýanlylyk. *Köçeleriň maşyn hereketleriniň birtaraplaýynlygy.* **2**. Her taraplaýyn däl, birýanlaýynlyk, giň gerimde däl. *Meseläniň garalyşynyň birtaraplaýynlygy.*

**BIRTÜÝSLI** [birtüýslü], *syp.* **1**. Geň, düşnüksiz, birhili. *Ol birtüýsli adam*. **2**. Görnüşi, tüýsi meňzeş bolan. *Birtüýsli mata.* **3**. Gelşiksiz, gelşikli däl. *Märekede köp geplemeklik birtüýsli bolýar.*

**BIRTÜÝSLÜLIK** [birtüýslülük], *at.* **1**. Geňlik, düşnüksizlik, birhililik. **2**. Görnüşi, tüýsi meňzeşlik. **3**. Gelşiksizlik, gelşikli dällik.

**BIRUGSAT** [bi:ruğsot], *syp.* Rugsatsyz, ygtyýarsyz; rugsady, ygtyýary bolmadyk.

**BIRWAGT** [byrwağyt], *hal.* Köp wagt mundan öň, öň, öňräk, bireýýäm, birçak, birmahal, ozal. *Birwagtlar şu ýerlerik şugundyr ekerdiler* ("Edebiýat we sungat").

**BIRWAGTKY** [byrwağytky], *syp.* Öň bolup geçen, bireýýäm bolup geçen, birmahalky, birçakky.

**BIRÝANLY** [birýa:nly], *syp., ser.* **Birýaňalyk**. *Işi birýanly etmek*.

**BIRÝAŇALYK: birýaňalyk etmek: 1)** gutarnykly çözmek, belli bir netijä gelmek. *Meseläni birýaňalyk etmek*. **2)** gutarmak, ýerine ýetirmek, bir ýüzli etmek. *Işi birýaňalyk etmek.*

**BIRZEBIR** [birzevi:r]: **birzebir etmek** biri-birinden aýyrmak, her haýsysyny bir ýerden çykarmak, dargatmak. *Adamlary birzebir etmek hudaýýň halajak zady däldir.*

**BISABYR** [bi:savyr], *syp.* Sabyrsyz, sabry-karary ýetmeýän, takat etmeýän. *Bisabyr gul tiz ýolugar belaga, Sabyrly gul dura-bara şat bolar* (Magtymguly).

**BISABYRLYK** [bi:savyrlyk], *at.* Sabyrsyzlyk, sabry-karary ýetmezlik, takat etmezlik. *Haýt-haýt, Görogly, bisabyrlyk etme* ("Görogly").

**BISARPA** [bi:sarpa], *syp., hal.* **1**. Tygşytsyz, aýawsyz. **2**. Ýerliksiz, biderek, sarpasyz. *Diliňi bisarpa goýberme.*

**BISARPALYK** [bi:sarpalyk], *at.* **1**. Tygşytsyzlyk, aýawsyzlyk. **2**. Ýerliksizlik, bidereklik, sarpasyzlyk, sarpa goýmazlyk. *Bisarpalyk etmek.*

**BISEREŞGEN** [bi:sereşğen], *syp*., hal. Amatsyz, oňaýsyz; gelşiksiz. *Ýürek beýnä görä garagolrak bolýar: onuň diýenini ediberseň, bisereşgen zatlaryň üstünden-de eltip biler* (K.Gurbannepesow). *Bisereşgen görünmek. Bisereşgen bolmak.*

**BISÄHET** [bi:sähet], *syp.* Sähet däl, sähetli däl, sähetsiz, sähet hasaplanmaýan. *Bisähet güni at bakmasaň, sähetli gün at çapdyrmaz* (Nakyl). *Bisähet sapar aýynda, Zor Bezirgene uçradym* ("Görogly").

**BISMIL**, *at,* Ýaranyň bir görnüşi.

**BISMILLA** [bismilla:] **1**. Allanyň ady bilen. *"Bismilla" diýp başlady, çagyrdy ustadyny* (Magtymguly). **2**. Bir haýyrly işe, nahar iýilmäge başlanjak bolnanda aýdylýan söz.

◊ **Bismillasyny etmek** öňüni başlap bermek.

**BISYRAT** [bi:sy:rat], *syp.* **1**. Syratsyz, gelşiksiz, owadan däl. **2**. Käýinç sözi.

**BISYRATLYK** [bi:sy:ratlyk], *at.* Syratsyzlyk, gelşiksizlik, owadan dällik, gelşiksizlik.

**BIŞ-DÜŞ**, *at, gepl.d.* Nahar. *Bularyň birnäçesi biş-düş häzirlemek hem çaý gaýnatmagyň ugruna çykdylar* (A. Gowşudow).

**BIŞ-DÜŞÇI** [biş-düşşü], *at, gepl.d.* Biş-düş, nahar taýýarlamak bilen meşgullanýan adam, aşpez. *Men olaryň biş-düşçüsi bolaryn.*

**BIŞE** [bi:şe], *at, kön.s.* Tokaý, jeňňel; mişe. *Bişeleri şir-peleňli* (Magtymguly).

**BIŞIM**, *at.* Naharyň bişýän, ýetişýän derejesi. *Bu tüwiniň bişimi ýetipdir.*

**BIŞIRILMEK**, *işl.* **1**. Her hili nahar, çörek we ş.m. zatlar gaýnadylyp, gowrulyp, gyzdyrylyp taýýarlanylmak. *Çörek bişirilmek*. **2**. *göç.m.* Doly özleşdirilmek, öwrenilmek.

**BIŞIRINMEK**, *işl.* Özüň üçin bişirmek. *Nahar bişirinmek.*

**BIŞIRMEK**, *işl.* **1**. Her hili nahary, çöregi we ş.m. zatlary gaýnadyp, gowrup ýa-da gyzdyryp taýýarlamak. *Kellebaşaýak bişirmek. Çişlik bişirmek. Palaw bişirmek.* **2.** Täze keçe belli bir wagtyň dowamynda düşelenden soň, onuň hilini gowulandyrmak üçin üstünden suw sepip, ölläp täzeden iki-üç aýal maşgala bolup bilekläp basmak. **3.** Ýörite taýýarlanan kürede çig kerpiji aýratyn tertipde örüp, ýokary gyzgynlyk arkaly berkän görnüşine getirmek. **4**. *göç.m.* Doly özleşdirmek, öwrenmek. *Ol ýolboýy beýnisinde bişirip gelen sözlerini säginmän orta dökdi* (G. Kulyýew).

**BIŞIRTMEK**, *işl.* Bişirmek işini başga birine etdirmek. *Biz olara nahar bişirdip iýdik.*

**BIŞIŞ**, *iş ady.* Bişmek ýagdaýy.

**BIŞIŞMEK**, *işl.* **1**. Bişip, ýetişip ugramak, bişip başlamak. *Üzümler bişişipdir.* **2**. Sagdyn, çydamly, mert bolup ýetişmek, kämilleşmek, mäkämleşmek. *Entek ol doly bişişmändi.*

**BIŞME**, *iş ady.* Bişmek ýagdaýy.

**BIŞMEK**, *işl.* **1**. Nahar ýetişmek, owkat taýýar bolmak. *Saňa bu gün künji ýagyna bişen mele palaw bermesem bolmaz* (B. Seýtäkow). **2**. Ösüp, ýetjek derejesine ýetip, iýmäge ýaramly bolmak, ýetişmek. *Bişen zamçanyň ysy kükäp, burna urýardy.* **3**. *göç.m.* Gaýgy-gam çekmek, hasrat çekmek. **4**. Bir ýeriňi gyzgyn zada ýakmak. *Süýtde agzy bişen, suwy üfläp içer* (Nakyl). *Ýakma, bişersiň, gazma, düşersiň* (Nakyl). **5**. *göç.m.* Köp kynçylygy görmek, köp zady başdan geçirmek. *Ol durmuş gazanynda bişen adamdy.* **6**. Ýakylyp daş halyna öwrülmek (kerpiç). *Onuň daşynyň bir bölegine bişen kerpiç bilen haýat etdik* ("Türkmenistan").

**BIŞMEKLIK**, *iş ady.* Bişmek ýagdaýy.

**BIT**, *at.* Käbir janly-jandarlarda olaryň ganyny sorup ýaşaýan, şeýle hem gallada, unda we ş.m. döreýän kiçijik mör-möjek.

◊ **Bite gahar edip**, **ýorganyňy otlamak** biderek zat üçin uly bähbitden galmak. **Bitini gotura derman etmek** dilegiň düşse, iň bir ýönekeýje zadyny hem bermäge dözmezlik. **Bitini iýme** husyt, gysganç, gysyk, syrnyh. **Bitiniň burny ganamazlyk** şowsuzlykdan aman galmak, zyýan çekmezlik.

**BITAKAT** [bi:ta:kat], *syp.* Takatsyz, sabry gaçan, ynjalyksyz, ynjalygy gaçan. *Sen bitakat bolma* ("Görogly").

**BITAKATLANDYRMAK** [bi:ta:katlannyrmak], *işl.* Sabryny gaçyrmak, ynjalygyny gaçyrmak, takatsyzlandyrmak.

**BITAKATLANMA** [bi:ta:katlanma], *iş ady.* Bitakatlanmak ýagdaýy.

**BITAKATLANMAK** [bi:ta:katlanmak], *işl.* Takatsyzlanmak, sabryň gaçmak, ynjalygyň gaçmak.

**BITAKATLANMAKLYK** [bi:ta:katlanmaklyk], *iş ady.* Bitakatlanmak ýagdaýy.

**BITAKATLANYŞ** [bi:ta:katlanyş], *iş ady.* Bitakatlanmak ýagdaýy.

**BITAKATLYK** [bi:ta:katlyk], *at.* Takatsyzlyk, sabryň gaçmaklyk, ynjalygyň gaçmaklyk. *Sabyrly adama bitakatlyk ýaraşmaz.*

**BITAP** [bi:ta:p], *syp.* **1**. Tapsyz, güýçsüz, tapdan gaçan. *Bitap adam.* **2**. Näsag, ýarawsyz, syrkaw. *Birden Öwez bitap bolup keselledi* ("Görogly").

**BITARAP** [bi:tarap], *syp.* **1**. Hiç tarapa goşulmaýan. **2**. *him.* Hiç hili täsir etmeýän. *Egreldilýän jisimiň içinde dartylmaýan, gysylmaýan we bitarap diýilýän gatlak bolýar.*

◊ **Bitarap döwlet** özge döwletleriň içki işlerine goşulyşmaýan, ýurtlar arasyndaky uruşlara gatyşmaýan, ähli meseleleri ylalaşykly ýollar bilen çözmekligi ündeýän, parahatçylykly syýasaty goldaýan döwlet, ýurt. *Biziň Garaşsyz, baky Bitarap döwletimizde il-halkyň erkana ýaşap, joşgunly işlemäge, ylhamly döretmäge, mazmunly dynç almaga ähli şertler we mümkinçilikler bar* ("Türkmenistan").

**BITARAPLAŞDYRMAK** [bi:taraplaşdyrmak], *işl.* Hiç bir tarapa goşmazlyk, hiç kimiň işine gatyşdyrmazlyk.

**BITARAPLAŞMA** [bi:taraplaşma], *iş ady.* Bitaraplaşmak ýagdaýy.

**BITARAPLAŞMAK** [bi:taraplaşmak], *işl.* Hiç bir tarapa goşulman, çetde durmak, çetleşmek.

**BITARAPLAŞMAKLYK** [bi:taraplaşmaklyk], *iş ady.* Bitaraplaşmak ýagdaýy.

**BITARAPLAŞYŞ** [bi:taraplaşyş], *iş ady.* Bitaraplaşmak ýagdaýy.

**BITARAPLYK** [bi:taraplyk], *at, syýasy.* **1**. Bitarap syýasaty ýöretmeklik, hiç bir tarapa goşulmazlyk, gatyşmazlyk. *Bitaraplyk syýasaty.* **3**. *him.* Hiç hili täsir etmezlik.

**BITAÝ** [bi:ta:ý], *syp.* **1**. Taýsyz, taýly däl, jübüt däl. **2**. Her taýy başga-başga bolan, taýy meňzeş däl. *Bitaý aýakgap. Bitaý ellik.*

**BITAÝLYK** [bi:ta:ýlyk], *at.* **1**. Taýsyzlyk, jübüt dällik. **2**. Taýy meňzeş dällik.

**BITERTIP** [bi:terti:p], *syp.* **1**. Tertip bilen goýulmadyk, tertipsiz, rejeli däl. *Jaýyň içindäki zatlar bitertip ýerleşdirilipdir.* **2**. Özüni tertipli alyp barmaýan, terbiýesiz. *Bitertip oglan*.

**BITERTIPÇILIK** [bi:terti:pçilik], *at, ser.* **Bitertiplik**.

**BITERTIPLIK** [bi:terti:plik], *at.* **1**. Tertipsizlik, bulam-bujarlyk. **2**. Tertip saklamazlyk, edepli dällik, terbiýesizlik.

**BITEWI** [bitöwü], *syp.* Tutuş, dagamadyk, bölünmedik, jebis.

**BITEWÜLIK** [bitöwülük], *at.* Bitewi halda bolmaklyk.

**BITGIN**, *syp.* Gowy biten, oňat ösüp ýetişen.

◊ **Bitgin adam** iri, daýaw adam.

**BITGINLI**, *syp.* Hasylly, hasyly bol biten. *Melleklerde, kärendedir mülk ýerlerde dürli ekinleriň bitginli hasylynyň kemala getirilendigini garaşsyz Diýarymyzyň bazarlarynyň haýsysyny aýlanyp görseňem, bada-bat göz ýetirip bolýar* ("Türkmenistan").

**BITGINLILIK**, *at.* Hasyllylyk, köp hasylly ýagdaýynda bolmaklyk.

**BITIK**, *syp., kön.s.* **1**. Ýerbe-ýer, ýeterlik. *Halypa işi bitikdi* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Bekli, ýapylan, bitişen.

**BITILMEK**, *işl.*, *kön.s.* Ýazylmak. *Bitilse ýa okalsa, alsa il ýat* (Sopy Allaýar).

**BITIN** [biti:n], *syp.* **1**. Tutuş, bölünmedik, ujundan döwülmedik, bitewi, abat. **2**. Abat, ýyrtylmadyk, deşilmedik, dagamadyk. *Bitin geýim. Bitin aýakgap.*

◊ **Bitin san** *mat.* Bölünmedik san.

**BITINLIK** [biti:nlik], *at.* **1**. Tutuşlyk, bölünmedik, ujundan döwülmedik, bitewülik, abatlyk. **2**. Abat, ýyrtykýyrik däl, böleklere bölünmedik ýagdaýynda bolmaklyk.

**BITINTEGBENT** [biti:nteğvent], *at.* Dürli el işlerine salynýan nagyş.

**BITIRILMEK**, *işl.* Ýerine ýetirilmek, berjaý edilmek. *Ýumuş bitirildi*.

**BITIRIŞ**, *iş ady.* Bitirmek ýagdaýy.

**BITIRIŞDIRMEK**, *işl.* Ýerine ýetirişdirmek, berjaý edişdirmek. *Ýumuşlary bitirişdirmek.*

**BITIRIŞMEK**, *işl.* Bitirmäge kömekleşmek.

**BITIRME**, *iş ady.* Bitirmek ýagdaýy.

**BITIRMEK**, *işl.* **1**. Bir işi ýerine ýetirmek, berjaý etmek, amala aşyrmak. **2**. Gutarmak, tamamlamak. *Jaýyň örümini bitirdik.* **3**. Ýara, döwük we ş.m. zatlary gutarmak.

**BITIRMEKLIK**, *iş ady.* Bitirmek ýagdaýy.

**BITIRTMEK**, *işl.* **1**. Ýerine ýetirtmek, berjaý etdirtmek, amala aşyrtmak. **2**. Gutartmak, tamamlatmak. **3**. Sagdyn deri bilen üstüni örtdürmek (ýara, döwük hakynda).

**BITIŞ**, *iş ady.* Bitmek ýagdaýy.

**BITIŞDIRMEK**, *işl.* Biri-birine ýelmeşdirmek, biri-birine sepleşdirmek, birleşdirmek.

**BITIŞIK**, *syp.* Biri-biri bilen bitişip duran, biri-birine ýelmeşen, sepleşen, birleşen.

**BITIŞIŞ**, *iş ady.* Bitişmek ýagdaýy.

**BITIŞME**, *iş ady.* Bitişmek ýagdaýy.

**BITIŞMEK**, *işl.* **1**. Biri-biri bilen utgaşmak, birleşmek, ýelmeşmek, sepleşmek. **2**. Gowulaşmak, gutulyşmak, bitip başlamak (ýara, döwük hakynda). *Eliniň ýarasy bitişdi.* **3**. Tamamlanyp barmak, gutaryp barmak. *Jaýyň gurluşygy hem bitişip barýar.*

**BITIŞMEKLIK**, *iş ady.* Bitişmek ýagdaýy.

**BITLEME**, *iş ady.* Bitlemek ýagdaýy.

**BITLEMEK**, *işl.* Bit düşmek, bit basmak. *Ketekdäki towuklar bitläpdir.*

**BITLEMEKLIK**, *iş ady.* Bitlemek ýagdaýy.

**BITLETMEK**, *işl.* Bite basdyrmak.

**BITLEÝIŞ**, *iş ady.* Bitlemek ýagdaýy.

**BITLI**, *syp.* Bitlän, bit basan.

**BITME**, *iş ady.* Bitmek ýagdaýy.

**BITMEK**, *işl.* **1**. Tamamlanmak, tamam bolmak. *Tabşyrylan işi bitirip, öýüne gaýtdy.* **2**. Ýerine ýetmek, berjaý bolmak. *Agaň ýanynda diýeniň bitýämi? Diýeniniň bitjegini bilýä* ("Görogly"). **3**. Gögermek, ösmek. *Türkmen düzünde biten, onda-da atyp sanabermeli özlüden ak bugdaýdan bişirilýän çöregi bir gezek iýen soňam onuň tagamyny unutmandyr* ("Türkmenistan"). **4**. Çökündi ýa-da kesmek tutup, beklenip, öňi ýapylmak, akmasy galmak. *Çesmäň gözi bitipdir. Semawaryň jüründigi bitipdir.* **5**. Gutulmak, sagalmak. *Bedene düşen ýara bireýýäm bitipdi* (B. Seýtäkow).

**BIWAGT** [bi:wağt], *hal.* **1**. Garaşylmadyk wagtda, wagtyndan ir. *Köp zatlary başyndan geçiren pälwan biwagt dünýäden ötdi-dä* (B. Seýtäkow). *Biwagt ölüm.* **2**. Wagtyndan ir ýa-da giç. *Galandarlaryň biwagt atlananlary Arabyň piňine-de däl* ("Görogly"). **3**. Adamlaryň öýüne ýygnanýan çagy, ýarygije, ýatan wagty, aýak ýygnanan wagty, bimahal. *Dogry ýöräp, dogry gezen dok bolar, Biwagt gezen melamata köp galar* (Magtymguly).

**BIWAZ** [bi:wa:z], *syp.* **1**. Durmuşda özüni erbet alyp barýan, bozgak, bozuk. *Biwaz adam.* **2**. Garagol, ýakymsyz, berebekgeý. *Biwaz çaga*.

**BIWAZLYK** [bi:wa:zlyk], *at.* Durmuşda özüni gowy alyp barmazlyk, bozgaklyk, bozuklyk.

**BIWAZY** [bi:wa:zy], *syp.,ser.* **Biwaz 1**. *Biwazylara sapak berýän asyl sen ekeniň* (A. Gowşudow).

**BIWEÇ** [bi:wöç], *syp.* Bolgusyz, ugruny ýitiren, ugursyz (adam hakynda). *Bir akylsyz biweç bilen, Deň-duş bolup, jora olmagyn* (Magtymguly). *Biwejiň sözünde oňatlyk görsem, Guwandym şol söze öz sözüm ýaly* (K. Gurbannepesow).

**BIWEÇLIK** [bi:wöşlük], *at.* Bolgusyzlyk, ugruny ýitirenlik, ugursyzlyk. *Ol Garagumda telli-pelli etmeli däldigine, çölüň biweçligi halamaýandygyna oňat göz ýetirdi* ("Edebiýat we sungat").

**BIWEPA** [bi:wepa:], *syp.* **1**. Wepa bermeýän, haýyrsyz, peýdasyz, wepasyz. **2**. Sözünde durmaýan, ygrarsyz, agyp-dönüp duran. **3**. Maşgalasyna ikilik edýän.

**BIWEPALYK** [bi:wepa:lyk], *at.* **1**. Wepa bermezlik, haýyrsyzlyk, peýdasyzlyk, wepasyzlyk. **2**. Sözünde durmazlyk, dönüklik, ygrarsyzlyk.

**BIYGTYÝAR** [bi:yğtyýa:r], *syp.* **1**. Ygtyýarsyz, rugsatsyz, ylalaşyksyz. **2**. *göç.m.* Erksiz, erkden daşary bolýan ýagdaý. *Şol aýlar, şol azaplar ýadyna düşende, Aýsoltan biygtyýar ýylgyrdy* (B. Kerbabaýew).

**BIYNJALYK** [biýnjalyk], *syp.* **1**. Ynjalyksyz, birahat, ynjalygy bolmadyk. **2**. Aladalylyk, alada-ünjüsi barlyk. *Onuň ýüzünde biynjalyk alamat peýda boldy.*

**BIYNJALYKLANDYRMAK** [biýnjalyklannyrmak], *işl.* **1**. Birahatlandyrmak, birahat etmek, azara goýmak. *Ýumuş buýrup biynjalyklandyrdy*. **2**. Aladalandyrmak, alada-ünjüsini artdyrmak.

**BIYNJALYKLANMA** [biýnjalyklanma], *iş ady.* Biynjalyklanmak ýagdaýy.

**BIYNJALYKLANMAK** [biýnjalyklanmak], *işl.* **1**. Birahatlanmak, birahat bolmak, azara galmak. **2**. Aladalanmak, alada-ünjä galmak, başagaý bolmak.

**BIYNJALYKLANMAKLYK** [biýnjalyklanmaklyk], *iş ady.* Biynjalyklanmak ýagdaýy.

**BIYNJALYKLANYŞ** [biýnjalyklanyş], *iş ady.* Biynjalyklanmak ýagdaýy.

**BIÝ**, *at.* Her bir zady bilýän parasatly; köplenç, geljekde boljak tebigat hadysasyny öňünden bilýän adam, bilgiç.

**BIÝARA** [biýa:ra], *at.* Gawun, garpyz, hyýar we kädi ýaly bakja ekinleriniň pazyly.

**BIZ**, **1**. Birinji ýöňkemäniň köplügini aňladýan at çalyşmasy. **2**. *gepl.d.* Gepleýän adam tarapyndan okyjylara, diňleýjilere ýüzlenilende ″men″ manysynda ulanylýan söz. *Gözel ýarym, bizi goýma armanda* (Aýdymdan).

**BIZ** [bi:z] **I**, *at.* Ak reňkli irimçik nah mata. *Her gözeliň eger bolsa bet sözi, Haýypdyr köne biz, başyna dolak* (Misgingylyç). *Ak biz guşagyny biline ykjam saran, onuň üstünden don geýnen, ýüzi gasyn-gasyn bolan bir garry geldi* (A. Gowşudow).

◊ **Bize bitin** aňrybaş matalardan tikilmedik bolsa-da, eşiksiz däl, ýönekeý-de bolsa eşikli, ýalaňaç däl. *Ene: "Özümiz bize bitin bolsak bolýar" diýip, tapanjasyny çagalaryna iýdirdi, çagalaryna geýdirdi, şeýdip, olary il deňinde adam edip ýetişdirdi.*

**BIZ** [bi:z] **II**, *at.* Aýakgap tikmekde ulanylýan temeniňki ýaly ýiti uçly saplyja gural.

**BIZAR** [bi:za:r], *syp.* Halys ýadan, irgin, iren. *Bikärden il bizar* (Atalar sözi).

◊ **Bizar bolmak** bir zatdan ýa-da birinden irmek, halys ýadamak; bir zady owarram etmek. *Ol bu jaýdan towuklaryň alkymyna gelerine garaşyp ýatyp-ýatyp, halys bizar bolupdyr* (″Türkmen halk ertekileri″).

**BIZAR-PETEŇ** [bi:za:r-peteň]: **bizar-peteň etmek** *ser.* **Bizar-peteňini çykarmak**. **Bizar-peteňini çykarmak** halys irizmek, ýadatmak, ýürege düşmek. *Gatnap ýörme, indikile bu ýere gelme, ozalam bizar-peteňimizi çykardyň* (″Edebiýat we sungat″).

**BOGALAŞMAK** [boğoloşmok], *işl., gepl. d., ser.* **Basalaşmak**. *Oglanlar bogalaşýardylar.*

**BOGALDAK** [boğollok], *at.* Ýelken berkitmek üçin gämilerde dik oturdylýan beýik agaç sütün. *Kenarda uly gäminiň uzyn bogaldaklary hatarlanyp göründi*.

**BOGAZ** [boğoz] **I**, *at.* **1**. Gyzylödegiň we dem alyş ýollarynyň başlanýan ýeri, damak. **2**. Bokurdak. *Bogazy bogmasaň, bogaz düýäni ýuwudar* (Nakyl).

◊ **Bogaza bat bermek** biderek ýere haýbat bilen gürlemek, joşgunly ýaňramak. **Bogaz öllemek** az-kem suw içmek. **Bogazyňa sygdygyndan gygyrmak** örän gaty ses bilen gygyrmak. **Bogazyňa tegek bolmak** ″çeýnäniň ýuwdulman, iýmit geçiriş ýoluna böwet bolsun″ diýen manyda aýdylýan gargyş. **Bogazyň dolmak** gahar ýa-da begenç zerarly aglasyň gelmek, agyň tutmak, damagyň dolmak. **Bogazyň guramak** suwsamak ýa-da köp geplemek zerarly bogazyňda nem galmazlyk. **Bogaz ýyrtmak** gaty ses bilen gygyrmak, sesiňe bat bermek.

**BOGAZ** [boğoz] **II**, *at, geogr.* **1**. Iki deňziň ýa-da iki adanyň, iki dünýä böleginiň arasyndaky inçejik suw zolagy. **2**. *ýerli g.* Degirmeniň däne ötügi.

**BOGAZ** [boğoz] **III**, *syp.* Içinde düwünçek emele gelen (urkaçy haýwanlar hakynda). *Ol ýurtda bolsa bir bogaz geçi galan eken* (″Türkmen halk ertekileri″).

**BOGAZ** [boğoz] **IV**, *at.* Nagyş ady. *Palasa bogaz diýilýän nagyş salynýar.*

**BOGAZBOSSAN** [boğozvossa:n], *at.* Palasa salynýan göl.

**BOGAZLYK** [boğozluk], *at.* Bogaz ýagdaýynda bolmaklyk. *Bogazlygynyň soňky aýlarynda, aýratyn hem suw içenden soň goýunlary köp ýatyrmaly däl.*

**BOGDAK** [boğdok], *at.* **1**. Içine ýartydan azrak däne, un guýlup, agzy boglan halta, gap. *Iki bogdak un*. **2**. *gepl.d.* Desse, desselenen daňy, boglan daňy. *Otlary bogdaklamak.*

**BOGDURMAK** [boğdurmok], *işl.* **1**. Bir zadyň daşyny ýüp bilen başga birine daňdyrmak. *Görýän welin, bu maňa desse bogdurjag-ow* (A. Gowşudow). **2**.Bogmak işini başga birine etdirmek (*ser*. **Bogmak 2**.).

**BOGMA** [boğmo], *iş ady.* Bogmak ýagdaýy.

**BOGMAK** [boğmok], *işl.* **1**. Bir zadyň daşyny aýlap daňmak, toplap, desseläp daňmak. *Il agzyny ýygyp bolmaz, çelek agzyny bogup bolmaz* (Nakyl). **2**. Bokurdagyny gysyp, dem almagy kynlaşdyrmak. **3**. *göç.m.* Öňüni almak, ösüşi ýatyrmak, erkini almak, gysmak. **4**. Böwedi galdyryp, suw az mukdarda akar ýaly etmek. *Suwuň öňüni bogmak.* **5**. Gysmak.

**BOGMAKLYK** [boğmokluk], *iş ady.* Bogmak ýagdaýy.

**BOGNALMAK** [boğnolmok], *işl.* Bogun-bogun kesilip böleklenmek. *Odunlyk agaç bognaldy.*

**BOGNAMA** [boğnomo], *iş ady.* Bognamak ýagdaýy.

**BOGNAMAK** [boğnomok], *işl.* Bogun-bogun, bölek-bölek kesip böleklemek. *Howluda ýatan uzyn agaçlary bognadym.*

**BOGNAMAKLYK** [boğnomokluk], *iş ady.* Bognamak ýagdaýy.

**BOGNAŞMAK** [boğnoşmok], *işl.* Bognamaga kömekleşmek; bilelikde bognamak.

**BOGNATMAK** [boğnotmok], *işl.* Bogun-bogun kesdirip bölekletmek.

**BOGNAÝAKLYLAR** [boğnaýaklylar], *at, haýwanat d.* Aýaklary bogun-bogun mör-möjekler topary.

**BOGNAÝYŞ** [boğnoýuş], *iş ady.* Bognamak ýagdaýy.

**BOGSAK** [boğsok], *at.* Täze botlan düýeleri sagyma öwretmek üçin artky aýagyna salynýan daňy.

**BOGSAKLAMAK** [boğsoklamok], *işl.* Düýäniň aýagyna bogsak salmak.

**BOGSAKLAŞMAK** [boğsoklaşmok], *işl.* Bogsaklamaga kömekleşmek.

**BOGUK** [boğuk], *syp.* **1**. Gyryljyk, gyryk, garyljyk (ses). **2**. Bogulgy, boglup goýlan. *Çuwallaryň agzy bogukdy.*

**BOGUKLYK** [boğukluk], *syp.* Gyryljak, garyljyk seslilik, sesi gyryklyk.

**BOGULMAK** [boğulmok], *işl.* **1**. Daşyna ýüp oralyp, gysylyp daňylmak, desselenip baglanmak. **2**. Sesiň gyrylmak, gyryljak sesli bolmak. **3**. Bokurdak gysylmak, dem almagyň kynlaşmak. **4**. *göç.m.* Hukugy gysylmak, erk-ygtyýaryň çäklendirilmek.

**BOGULYK** [boğuluk], *at.* Bogy üçin niýetlenen (bölek ýüp, bag). *Bogulyk ýüp.*

**BOGUN** [boğun], *at.* **1**. *anat*. Synanyň, eliň-aýagyň ownuk bölekleriniň birleşýän ýeri. *Barmaklarynyň bogunlary ýumralypdy*. **2**. Gamyş, gargy we ş.m. ösümlikleriň baldaklaryndaky bölümler. *Göwün göwünden suw içer, gamyş – bogundan* (Nakyl). **3**. *dil. b.* Sözleriň içindäki çekimlileriň sanyna görä bölünýän bölek. *Her bogunda bir çekimli sesiň bolýandygyny düşündirip, sözleri bogna bölüp başlaýar* ("Mugallymlar gazeti").

◊ **Bogny ysmazlyk** bir işi, hereketi amala aşyrmaklyga erk edip bilmezlik, ynsaby çatmazlyk. *Ýalan sözlemäge onuň bogny ysmady* (A. Gowşudow). *Ýatdy, turdy, gaýta-gaýta aýlandy, Barmaga ahyrda ysmady bogny* (A. Kekilow).

**BOGUN-BOGUN** [boğun-moğun], *syp.* Köp bogunly, birnäçe bogundan ybarat bolan. *Bagşy dutaryň bogun-bogun sapyny gysymlap, ýüzüni aşak saldy* (B. Gulow).

**BOGUNÇY** [boğunçy], *at.* Malyň bognundan çykýan ýara.

**BOGUNMAK** [boğunmok], *işl.* Özüň üçin bir zat bogmak.

**BOGURSAK** [boğursok], *at.* **1**. Tüýnügiň tegelek ýogyn agaçlaryny dört ýerinden birleşdirýän ýasyja agaç (onuň iç tarapa çykyp duran ujy pişme görnüşli bolýar). **2**. *ýerli g.* ser. Pişme. *Ogluny hem gutladyk, bogursagyny-da iýdik.*

**BOGUŞ** [boğuş], *iş ady.* Bogmak ýagdaýy.

**BOGUŞDYRMAK** [boğuşdurmok], *işl.* Desse, bede we ş.m. daňyşdyrmak, bogup çykmak. *Olaryň iki-üç gün mundan ozal ýatyran otlaryny boguşdyrdylar.*

**BOGUŞMAK** [boğuşmok] **I**, *işl.* Birine bir zady daňmaga, baglamaga, bogmaga kömekleşmek. *Ol kakasyna bede boguşýar.*

**BOGUŞMAK** [boğuşmok] **II**, *işl.* Biri-biriňi bogmak, ýakalaşmak, basalaşmak.

**BOGY** [boğy], *at.* **1**. Daňlan desse, desselenip baglanan daňy (ot, bede, we ş.m. hakynda). *Dört bogy bede*. **2**. Bir zadyň agzyny daňmak üçin ulanylýan ýüp, bag. *Bogusy çözülen ýanlyk ýaly, Zowlap çykdy ähli ýeli* (K. Gurbannepesow). **3**. *ser.* **Başbogy**. *Inçelipdir onuň ýogyn göwresi*, *Aýakda köwüş ýok, başynda bogy* (Ç. Aşyr).

**BO-HOW** [bo-ho:w]. Geň galmagy aňladýan ümlük. *Bo-how, sesi nebela eken-ow* ("Görogly").

**BOKS** [bo:kus], *at, sport.* Ringde iki türgeniň arasynda ýörite düzgün boýunça ýumruk bilen garşydaşyňa urgy urmak arkaly geçirilýän başa-baş söweş.

**BOKSÇY** [bo:kusçy], *at, sport.* Boks bilen meşgullanýan türgen.

**BOKUR**, *syp.* Gysga boýunly, bokurdagy içine gidip duran. *Ol orta boýly, inedördül, ullakan kellesi iki egniniň üstüne berkidilen ýaly bokur hem lokga adamdyr* (B. Öwezow).

**BOKURDAK** [bokurdok], *at.* **1**. *ser.* **Bogaz I**, **2**. *Bagşy bokurdagyna bat berýärdi. Mawy, onuň eşiginden-de ýapyşman, bokurdagyndan tutan elleri bilen pyzyp goýberdi* (B. Kerbabaýew). **2**. Ýer ady.

◊ **Bokurdagyna gyzym** iýmeli bolsa, ölüp-öçüp barýan. *Ol bokurdagyna gyzymdy, tabak görse, duran ýeridi.* **Bokurdagyň dolmak** *ser.* **Bogazyň dolmak**. *Onuň bokurdagy dolup başlady* (G. Gurbansähedow). **Bokurdagyň guramak 1)** *ser.* **Bogazyň guramak**. **2)** sesiň gyrylmak. **Bokurdagy ýaglamak 1)** bir zatlar iýip-içmek. **2)** iliň hasabyna ýaşamak.

**BOL**, *syp.* Köp, ýeterlik, gereginden artyk bolan. *Giden meýdan ala-böle gawun-garpyzyň bol hasyly bilen gözüňi dokundyrýar* ("Watan").

◊ **Bol çöp** köplenç, bir ýerde köp bolýan zat, bol zady. *Obamyzyň bol çöpi gawun-garpyz*.

**BOLAMA** [bolomo], *iş ady.* Bolamak ýagdaýy.

**BOLAMAK** [bolomok], *işl.*, *ser.* **Bol bolmak**, **köpelmek**. *Gök önümler bolady.*

**BOLAMAKLYK** [bolomokluk], *iş ady.* Bolamak ýagdaýy.

**BOLAR-BOLMAZ** [bolor-volmoz], *syp.* **1**. Ýarar-ýaramaz, ugurly-ugursyz. *Ýigitleriň bolar-bolmaz degişmelerini bolsa ol hasaba-da almaýardy* (B. Kerbabaýew). **2**. Ugursyz, hiç zadyň alnyndan bolmadyk (adam hakynda). *Bolar-bolmaz adamlaryň diline düşeniňden, Berdi aga gyzyna dözümliräk daranyny gowy görýärdi* (B. Pürliýew).

**BOLASY** [bolosy]. Bir sebäbe göra bir ýerde bolmak, bir ýere barmak, bir ýerde görünmek we ş.m. ýagdaýlarda anyklaýjylyk hyzmatyny ýerine ýetirýän söz. *Bolasy, bir zygyr-zygyr, Gatnamaň bar diýýädim-le* (K. Gurbannepesow).

**BOLAŞMAK** [boloşmok], *işl.* Bolap ugramak. *Gök önümler bolaşypdyr.*

**BOLATMAK** [bolotmok], *işl.* Bol etmek.

**BOLAÝYŞ** [boloýyş], *iş ady.* Bolamak ýagdaýy.

**BOLÇULYK** [bolçuluk], *at, ser.* **Bolluk**. *Bu desga geljek nesillerimiz üçin suw bolçulygyny döredip, ene topragymyzyň bereketini has-da artdyrar* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr"). *Bazarlary bolçulygyň özboluşly aýnasy hasaplaýarlar* ("Türkmenistan").

**BOLDUMLY** [bollumly], *syp.* **1**. Bitginli, bol, köp hasylly. *Bu ýyl hasylyň bolsady ekilen ýaly boldumlydygyna öňünden gözüni ýetirip bilen Pökgeniň ökjesi has hem ýeňläpdi* (A. Gowşudow). **2**. Iri, daýaw, bitgin, etli-ganly. *Boldumly pyýada.*

**BOLDUMLYJA** [bollumlujo], *syp.* Özi ýalylara garanda daýawja, irije. *Boldumlyja çagajyk maşyndan düşüp-düşmän, "Kaka, kaka!" diýip, oňa bakan düwdenekleýärdi* (B. Kerbabaýew).

**BOLDUMLYLYK** [bollumluluk], *at.* **1**. Ösgünlik, bitginlik, köp, bol hasyllylyk. **2**. Irilik, daýawlyk, bitginlik, etli-ganlylyk.

**BOLDURMAK** [bollurmok], *işl., gepl.d.* **1**. Gutartmak, tamamlatmak, bes etdirmek. *Işi boldurmak.* **2**. Döretmek, ýokdan bar etmek. *Bolduran hem aýal, güldüren hem* (Nakyl).

**BOLELIN** [boleli:n], *syp.* Geregrinçe, ýeterlik derejede bolýan (zat hakynda). *Bolelin suwly bolmaklygy biziň halkymyz asyrlar boýy arzuw edip geldi.*

**BOLELINLIK** [boleli:nlik], *at.* Geregiňçe, ýeterlik derejede bolmaklyk. *Hawa, gyz, bolelinligiň özi-hä gowy zatdyr* (B. Kerbabaýew).

**BOLGAR** [bolğa:r], *at, ser.* **Bolgarlar**. *Bolgar dili.*

**BOLGARLAR** [bolğa:rla:r], *at.* Bolgariýanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**BOLGUSYZ** [bolğusuz], *syp.* **1**. Ugursyz, ýarar-ýaramaz, bolar-bolmaz. *Obanyň orta gürpündäki demirçi ussanyň bolgusyz dükanynyň töwereginde janly hereket başlandy* (A. Gowşudow). **2**. Ähmiýetsiz, biderek, ugursyz. *Bolgusyz gürrüň etmek.* **3**. Ugursyz, hiç zadyň alnyndan bolmadyk. *Bolgusyza baryňçaň, boý oturgyn ölinçäň* (Nakyl).

**BOLGUSYZLYK** [bolğusuzluk], *at.* **1**. Ähmiýetsizlik, bidereklik, ugursyzlyk. *Jedeliň bolgusyzlygy mälimdi.* **2**. Ugursyzlyk, hiç zadyň alnyndan bolmazlyk. *Onuň bolgusyzlyklary degnama degdi.*

**BOLLUK**, *at.* Köp mukdarda, geregiňçe, ýeterlik derejede barlyk. *Bir gytlygyň bir bollugy* (Nakyl).

**BOLMA** [bolmo], *iş ady.* Bolmak ýagdaýy.

**BOLMAK** [bolmok], *işl.* **1**. Bir ýere barmak, geçirilýän bir çärä gatnaşmak. *Ýygnakda bolmak. Toýda bolmak.* **2**. Gutarmak, tamamlanmak, bes etmek. *Men başlan işimi boldum. Ot-da gara gan bolup, her näçe haýdasam-da, işimi bolup bilemok.* **3**. Bir ýerde az-kem ýaşamak. *Men obada bäş ýyl boldum.* **4**. Bir käri, hünäri, wezipäni, bilimi, täri we ş.m. eýelemek. *Çopan bolmak.* **5**. Dogulmak, dünýä inmek. *Bahanam akja bäbek, bildir bolsaň bolmaýarmy?!* (gelinler tarapyndan aýdylýan aýtgy). *Enebaý eje bu goh-galmagala oýanyp, ýorganlarynyň üstünde oýaly-ukuly gözlerini owkalap oturan Aba bilen Ýusupberdä: – Balalam, ogul jigiňiz boldy – diýip, lak atdy-da, täze dogan çaganyň sesi çasly çykýan tama tarap döndi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Älem içre at gezer"). **6**. Belli bir şekilde gelen *bolmak* işliginden soň *barmak* kömekçi işligi gelip, täze manyly düzümli işlik ýasalýar: **Boljak bolmak** bolmaga synanyşmak, bolmaga çalyşmak. **Bolup barmak** bir işi tamamlamaga, gutarmaga ýakynlamak. *Başlan işiňi bolup barmak.* **7**. *Bolmak* kömekçi işliginiň öňünden hal isliginiň *-up, -üp, -yp, -ip, -p* goşulmasyny kabul eden işlik gelip, gymyldy-hereketiň tamamlanandygyny aňladýan düzümli işlik ýasalýar: **Okap bolmak** okamak işini tamamlamak. **Ýazyp bolmak** ýazmak işini gutarmak. **8**. Öten zaman ortak işliginiň barlyk hem ýokluk şekilinden soň *bolmak* kömekçi işligi gelip, täze many öwüşginli düzümli işlik ýasalýar: **Iýen bolmak** iýesi gelmese-de, göwünli-göwünsiz iýmek. **Almadyk bolmak** alasy gelse-de, almazlyk, almadyksyramak. **Düzedişdiren bolmak** göwünli-göwünsiz düzedişdirmek. *Atyň aňyrsyna geçip, uýanyny gaňtaryp, atyň ýallaryny düzedişdiren boldy* (A. Durdyýew). **Bilmedik bolmak** bilse-de, bilmezlige salmak, bilmediksiremek.

◊ **Bolan bolup durşy** ile göwni ýetmeýän ýaly, hondanbärsi bolup durmaklyk. – *Onuň bolan bolup durşy nähili gyz, kimdirin öýdýärkä?* **Bolup duruş 1**) bir işiň tamamlanyş ýagdaýy. *Işlerimi bolup durşum, entek çaý-naharam edinemok.* **2**) özüni alyp baryş (öňünden hal isligiň ýokluk şekili getirilip ulanylýar). *Onuň bir çetde ile goşulman bolup durşy nähili?* **Boljagy bolmak**

halanmaýan derejä baryp ýetmek, ýaramazlaşmak, erbetleşmek. – *Sen-ä boljagyňy bolupsyň, heýem beýle iş bolarmy?* **Boljagy bolup, boýasy siňmek (synmak)** adam gartaşan ýa-da başga bir zada uçrap, kyn ýagdaýa düşende oňa täze mümkinçilikleriň dörärinden döremezliginiň ýakyn halatynda aýdylýan aňlatma. – *Biziň-ä indi boljagymyz bolup, boýamyz siňipdir – ýaşymyzam bir çene baran, okamak, işlemek, öwrenmek gezegi siz ýaly ýaşlaryňky.* **Bolmajysy bolmak** hil bir zatdyryn öýdüp, edýän hereketinde, aýdýan sözünde we ş.m. ýagdaýlarda çenden çykmak, öte geçmek. *Ol dostunyň toýunda içip, tans edip, aýdym aýdyp, garaz, bolmajysy boldy.*

**BOLMAKLYK** [bolmokluk], *iş ady.* Bolmak ýagdaýy.

**BOLMANDA** [bolma:nna], "Ýogsa-da, bolmasa-da" diýen ýaly many aňladýan kömekçi söz. *Bolmanda, senden maňa bulut ýakyn, öz başymy özüm çararyn.*

**BOLMASA** [bolmoso], Garşylygy, şerti aňladýan kömekçi söz. *Ot ýakmalydy, bolmasa, bu ýerde sowukdan gatap galaýmagyň mümkindi.*

**BOLMASY** [bolma:sy], *syp.* Erbet, garaşylmadyk waka, iş. *Bolmasy iş.*

**BOLSA** [bolso], Garşylygy, şerti görkezýän baglaýjy kömekçi. *Oňa geler diýip garaşdyk, ol bolsa gelmedi.*

◊ **Bolsady ekmek** ýok zatlary, ýerine ýetmejek hyýallary arzuw etmek. *Bolsady ekseň, käşgädi gögär* (Nakyl).

**BOLŞEWIK** [balşevi:k], *at, taryh.* Bolşewikler partiýasynyň agzasy, bolşewizm taglymatynyň tarapdary, kommunist.

**BOL-TELKI**, *syp., ser.* **Bolelin**. *Asyrlaryň dowamynda bol-telki suw garasyny görmedik boz ýerlere nem gerekdi* ("Türkmenistan").

**BOL-TELKILIK**, *at, ser.* **Bolelinlik**.

**BOLUŞ**, *iş ady.* **1**. Bolmak ýagdaýy. **2**. Özüňi alyp baryş, gylyk-häsiýet, ýagdaý. *Ýeri-how ýigit, bu nä boluş!*

**BOLUŞMAK** [boluşmok], *işl.* **1**. Gutarmaga, tamamlamaga ýakynlamak. *Olar işlerini boluşdy.* **2**. Belli bir ýagdaýda bilelikde bir zat diýip-aýtmak, haýsydyr bir hereketi etmek. *Orazsoltan eje bilen Orazgül eje aralarynda sarpa saklaşyp: alyň, siz kesiňde, alyň siz kesiň boluşdylar* (H. Derýaýew). **3**. Bir ýere ugramaga taýyn bolmak. *Hany, bolşan bolsaňyz, münüň maşyna, ýola düşeliň!*

**BOMBA** [bombo], *at.* Weýran ediji harby ýarag enjamy, içinde partlaýjy jisim ýerleşdirilen top, snarýad.

**BOMBALAÝJY** [bomboloýjy], *syp.* Nyşana alnan ýeri ýok etmek üçin bomba oklamak, taşlamak üçin niýetlenen. *Bombalaýjy uçar.*

**BORAGAN** [boroğon], *at.* Garly, ýagyşly, jöwenekli, çapgynly sowuk, harasat. *Ýel bilen boragan bile geldi.*

**BORAMAK** [boromok], *işl.* Sowuk semally howada gar syrap ýagmak. *Ýola çykar ýaly däl, gar boraýar, daş-töwerek boragan.*

**BORAN** [bo:ra:n / boron], *at, ser.* **Boragan.** Syrgynly ýel, ygally sowuk howa. *Ajy ýel gar bilen sowurýar boran* (K. Işanow).

**BORÇ** [bo:rç], *at.* **1**. Bergi, karz. *Borçlyny borjundan gutargyn! Uly toý eýle, hajat dile!* ("Kitaby dädem Gorkut"). **2**. Her bir adamyň üstüne ýüklenen we ýerine ýetirilmegi hökmany bolan kesgitli iş, hereket. *Watany goramak her bir raýatyň borjudyr. Okuwçylar bäşlik baha bilen okamaklygy borç edindiler*.

**BORÇLANMAK** [bo:rşlanmak], *işl.* Kesgitli işi wagtynda, gowy hilli edip ýerine ýetirmegi boýun almak, borç edinmek.

**BORÇLULYK** [bo:rşluluk], *at.* **1**. *ser.* **Bergililik**. **2**. Bir zady ýerine ýetirmekligi özüne borç edinmeklik. **3**. Edilen ýagşylyk üçin minnetdarlyk.

**BORÇLY** [bo:rşly], *syp.* **1**. *ser.* **Bergili**. **2**. Bir zady ýerine ýetirmekligi özüne borç edinen. *Biz ylmyň gazananlaryny ýaýratmaga borçludyrys.* **3**. Edilen ýagşylyk üçin minnetdar bolan, bergili. *Ömür boýy borçludyryn men saňa* (B. Kerbabaýew).

**BORÇNAMA** [bo:rşna:ma], *at.* Ýazuw üsti bilen boýun alnan borç (*ser*. **Borç 2**.). *Töleg borçnamasy.*

**BORJAK** [bo:rjok], *at, ösüml.d.* **1**. Hemişe gök salyp oturýan pürli ösümlik. **2**. Oglana dakylýan at.

**BORONA** [barana], *at.* Topragyň üstki gatlagyny ýumşadýan, tekizleýän, kesek owradýan, tohumyň üstüni gömýän oba hojalyk guraly.

**BORONALAMAK** [baranalamak], *işl.* Borona bilen işlemek.

**BORONALAMAKLYK** [baranalamaklyk], *işl.* Boronalamak ýagdaýy.

**BORONALANMAK** [baranalanmak], *işl.* Boronalap gutarylmak.

**BORONALAŞDYRMAK** [baranalaşdyrmak], *işl.* Bir ujundan başlap, tutuşlygyna boronalap çykmak.

**BORONALAŞMAK** [baranalaşmak], *işl.* Boronalamaga kömekleşmek.

**BORONALATMAK** [baranalatmak], *işl.* Boronalamak işini başga birine etdirmek.

**BORONALAÝYŞ** [baranalaýyş], *iş ady.* Boronalamak ýagdaýy.

**BORY** [bo:ry], *at. sazç.* Bürünçden egri şah görnüşli we göni turba görnüşli edilip ýasalan üflenip çalynýan saz guraly.

**BORÝA** [boryo], *at, ser.* **BOÝRA**.

**BOSA-BOS** [boso-vos], *syp.* Başly-baratly gaçyş, gaça-gaç, bosuş.

**BOSA-BOSLUK** [boso-vosluk], *at.* Başly-baratly gaçyş, gaça-gaçlyk, bosgunlyk. *Bir bar eken, bir ýok eken, bir wagt bosa-bosluk eden bir ýurt bolan eken* ("Türkmen halk ertekileri").

**BOSAGA** [bosoğo], *at.* **1**. Işiksöýäniň aşaky we ýokarky kese goýlan agaçlary. **2**. *göç.m.* Işigiň öň, daş tarapy. *Ol bosaganyň gapdalynda oturdy. Edil şol demde gara öýüň bäş ädim öňündäki daş tamyň gapysy şarkyldap açyldy-da, işigiň eňsisi serpilen gara öýüň bosagasynda Enebaý ejäniň äpet göwresi peýda boldy* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Älem içre at gezer", 9 s.). **3**. *göç.m.* Wakanyň, ýagdaýyň öň ýany, öňüsyrasy. *Biz Täze ýylyň bosagasynda durus.*

**BOSDURMAK** [bossurmok], *işl.* Bosgunçylyga, gaça-gaçlyga sezewar etmek.

**BOSGUN** [bosğun], *at.* **1**. Uly betbagtçylyk zerarly öý-öwzaryny, ýurduny taşlap gaçýanlar. *Bosgunlar çem gelen ýerde ýaşapdyrlar.* **2**. Uly betbagtçylyk zerarly bosa-bosluk, gaça-gaçlyk.

**BOSGUNÇY** [bosğunçy], *at.* Bosgun wagtynda gaçyp barýanlar.

**BOSGUNÇYLYK** [bosğunçuluk], *at.* Köpçülikleýin gaça-gaçlyk, bosa-bosluk.

**BOSGUNLYK** [bosğunluk], *at, ser.* **Bosa-bosluk**.

**BOSGY** [bosğy], *at, ser.* **Bosgun**. *Halk bosga düşmesin.*

**BOSMA** [bosmo], *iş ady.* Bosmak ýagdaýy.

**BOSMAK** [bosmok], *işl.* **1**. Bosgun bolup gaçmak. **2**. *göç.m.* Köpçülikleýin bir ýere çozmak, eňmek, dökülmek.

**BOSMAKLYK** [bosmokluk], *iş ady.* Bosmak ýagdaýy.

**BOSSAN** [bossa:n], *at.* **1**. *kön.s.* Bakja ekinleri ekilen meýdan. **2**. Gülzarlyk, bag-bakja. *Eziz Aşgabadymyz hut gözümiziň alnynda gör, nähili ajap görke girdi, gülledi, baglara bürendi, bossana çolandy* ("Türkmenistan"). **3**. Gyza dakylýan at.

**BOSSANLYK** [bossa:nlyk], *at.* Bossanly ýer, gök öwsüp oturan meýdan.

**BOSUŞ**, *iş ady.* Bosmak ýagdaýy.

**BOSUŞMAK** [bosuşmok], *işl.* Ýerli-ýerden köpçülikleýin bosmak. *Ýagyşdan soň gara garynjalar hinlerinden bosuşyp çykypdyr.*

**BOŞ**, *syp., hal.* **1**. Içine hiç zat salynmadyk, doldurylmadyk. *Boş käse. Boş çelek.* **2**. Içinde hiç kim bolmadyk, adamsyz. *Boş otag*. **3**. Ekin ekilmedik, hiç zat salynmadyk, peýdalanylmadyk. *Ine, şu şäheriň duran ýeri ýaňy-ýakynda hem tozap ýatan boş meýdandy.* **4**. *hal*. Hiç zat bilen meşgullanman, iş etmän, işsiz. *Boş oturmak*. **5**. Baglanmadyk, daňylmadyk. *Düýeleriň aýaklary boşdy, duşaklanmandy*. **6**. Bolgusyz, ähmiýetsiz, biderek. *Boş hyýal. Boş adam.* **7**. Eýlemi ýetmedik, gaty bolmadyk. *Boş hamyr. Boş palçyk*.

**BOŞADYLMAK** [boşodulmok], *işl.* **1**. Içiniň zatlary aýrylmak, içi boş goýulmak. *Gaplaryň birine suw goýberilse, ikinjisiniň suwy boşadylýardy*. **2**. Daňydan, bagdan aýrylmak. *Zynjyryndan boşadylan köpek.* **3**. Wezipeden ýa-da başga bir işden çykarylmak; azat edilmek.

**BOŞADYŞDYRMAK** [boşoduşdurmok], *işl.* Bir ýanyndan boşadyp çykmak. *Ýagly gaplary boşadyşdyrdym. Göleleri boşadyşdyryp, meýdana kowdum.*

**BOŞAMA** [boşomo], *iş ady.* Boşamak ýagdaýy.

**BOŞAMAK** [boşomok], *işl.* **1**. Bir zadyň içindäki zatlar aýrylyp, boş galmak. *Mallaryň agyllary boşapdyr*. **2**. Azat bolmak, azatlyk almak. **3**. Daňydan, bagdan aýrylmak, bagy, daňysy çözülmek. *Muny şol syçan görüp, ylgawyna gelip, ýolbars daňylan ýüpi dişi bilen kertip üzüpdir we şonluk bilen-de ýolbarsy boşadypdyr* ("Türkmen halk ertekileri").

◊ **Eliň boşamak** *ser*. **El**. *Elim boşan dessine, size baryp gaýdaryn*.

**BOŞAMAKLYK** [boşomokluk], *iş ady.* Boşamak ýagdaýy.

**BOŞANMAK** [boşonmok], *işl.* Daňysyndan boşamak, ýüpüni üzmek, bagyndan sypyp gitmek. *Ol daňylgy eşeginiň boşanyp gidenini hem duýmady* (B. Seýtäkow). *Düýe bolsa boşanyp, bagyny süýräp gidipdir* ("Türkmen halk ertekileri").

**BOŞAŞMAK** [boşoşmok], *işl.* **1**. Kem-kemden boşamak, birneme boşamak. *Suwly gaplar boşaşypdyr*. *Myhmanhanalar boşaşypdyr.* **2**. Harçlanyp gutaraňkyrlamak. **3**. Işler azalyşmak, ýeňleşmek.

**BOŞATDYRMAK** [boşotdurmok], *işl.* **1**. Içindäki zatlary aýyrtmak. *Samanhanany boşatdyrmak.* **2**. Daňylaryny çözdürip goýbertmek. *Goýunlary bagyndan boşatdyrmak.* **3**. Azat etdirmek, erk berdirmek. **4**. Işinden, gullugyndan, wezipesinden aýyrtmak. *Birini işden boşatdyrmak.*

**BOŞATMAK** [boşotmok], *işl.* **1**. Bir zadyň içindäki zatlary aýyrmak, çykarmak. *Sandygy boşatmak*. **2**. Daňylgy bagyny çözmek. **3**. Azat etmek. **4**. Birini işden çykarmak. **5**. Bir zadyň içindäki zady harçlap gutarmak. *Ol jübüsini boşatdy*.

**BOŞAÝYŞ** [boşoýuş], *iş ady.* Boşamak ýagdaýy.

**BOŞLAŇ** [boşloň], *syp.* **1**. Onçakly köp däl, az adamly. *Günüň ýerden saýlanyp ugramagyna garaman, öýleriň gapysy heniz hem boşlaňdy, jemende seýrekdi* (G. Kulyýew). **2**. Işi azrak, eli boşrak. *Boşlaň wagtym özüm size aýlanaryn.*

**BOŞLAŇLYK** [boşloňluk], *at.* **1**. Iş-alada onçakly köp dällik. **2**. Çolalyk. *Töwerek-daş boşlaňlykdy.*

**BOŞLUK**, *at.* **1**. Işsizlik, aladasyzlyk. *Boşlukdan çykjak zat ýok, bir işe ýerleşilse, gowy boljak.* **2**. Jemendesiz, az adamly, mähellesiz. *Öýlänler bazar boşluk ekeni.* **3**. Boş ýatan meýdan, giňişlik. *Obanyň öňi giden boşlukdy* (B. Seýtäkow). *Çopan üzümçiligiň aňyrsyndaky boşlukda goýun bakýardy.*

**BOTANIK** [bota:nik], *at.* Botanikadan hünärmen.

**BOTANIKA** [bota:nika], *at.* **1**. Ösümlikleri – olaryň içki we daşky gurluşynyň kanunalaýyklyklaryny, ýaýraýyş aýratynlyklaryny, daşky gurşaw bilen özara gatnaşygyny, ösümlik örtüginiň ýagdaýyny öwrenýän ylym. **2**. Okuw dersi.

**BOTLAMA** [bo:tlomo], *iş ady.* Botlamak ýagdaýy.

**BOTLAMAK** [bo:tlomok], *işl.* Köşegi bolmak. *Düýe aýdar: "Otlar men, Otlan ýerim ýatlar men, Elmydama botlar men, Sazak-selin içinde"* (Magtymguly). *Atam, aýdyň, Çynma-çynyň guşdyrnak çaýyny içermisiňiz, ýa gymyz getirmelimi, ýaňyja botlan düýäniň agarany bilen çalyny äbermelimi?* ("Türkmenistan").

**BOTLAMAKLYK** [bo:tlomokluk], *iş ady.* Botlamak ýagdaýy.

**BOTLAÝYŞ** [bo:tloýuş], *iş ady.* Botlamak ýagdaýy.

**BOW** [bo:w], Geň galmagy, begenji aňladýan ümlük. *Bow, sen nirede gezip ýörsüň?* (A. Durdyýew).

**BOÝ I**, *at.* **1**. Adamyň, haýwanyň ýa-da başga bir zadyň uzynlygyna (beýikligine) ölçegi. *Onuň boýy deň--duşlarynyňkydan uzyndy. Guwanyp boýuňa ösdürer seni, Geljegiň arzuwlap sanar her güni* (M. Myşşyýew). **2**. Doly ösüş, kämilleşiş derejesi. *Irki erikleriň eýýäm boýy ýetipdi, alma saralypdy* (B. Kerbabaýew). **3**. Derýanyň, ýabyň, suwuň we ş.m. ýakasy, kenary, gyrasy ýa-da bir zadyň ugry. *Ýap boýlarynyň her ýerinde bir düýp tut, uzakdan bolsa, hellewläp erik agaçlary görünýärdi* (B. Kerbabaýew). **4**. Ýyl, asyr ýaly sözleriň yzyndan gelip, "ýyllaryň dowamynda, asyrlaryň dowamynda" manysynda ulanylýar. *Türkmenleriň asyrlar boýy garaşsyz bolmak arzuwy 1991-nji ýylda hasyl boldy.*

◊ **Boý almak** ösmek, ýetjek derejesine çenli ulalmak. *Häzirki wagtda giçki kelem, käşir hem gowy boý alýar* ("Türkmenistan"). *Ynha, şol mahalky oturdylan nahallar häzir kemsiz boý aldy, gür bag bolup ýetişdi* ("Türkmenistan").

**BOÝ II**, *at.* Durmuşa çykmadyk ýa-da öýlenmedik. *Biri hem boý, jemi dört gyzy bar* (N. Saryhanow). *Boý ýigit.*

**BOÝ III**, *at, edeb., kön.s.* Iri göwrümli eseriň bir bölümi, baş. *"Gorkut ata" eposy on iki boýdan ybarat.*

**BOÝ IV**, *at, ösüml.d.* Jöweniň bir görnüşi.

**BOÝA** [boýo], *at, ser.* **Boýag**.

**BOÝAG** [boýoğ], *at.* Mata ýa-da başga bir zada reňk berýän jisim, boýa.

**BOÝAGÇY** [boýoğçy], *at.* Boýag boýaýjy, reňkleýji, nilgär. *Harplar-da boýagçynyň diwar ýüzüne pürkýän nagşy däl.*

**BOÝAGÇYLYK** [boýoğçuluk], *at.* Boýag boýamak käri, nilgärlik.

**BOÝAGHANA** [boýoğha:na], *at, kön.s.* Boýag boýalýan jaý.

**BOÝALMAK** [boýolmok], *işl.* **1**. Boýa batyrylmak, reňklenmek. **2**. Hapa bulanmak, tegmil degmek, hapalanmak.

**BOÝAMA** [boýomo], *iş ady.* Boýamak ýagdaýy.

**BOÝAMAK** [boýomok], *işl.* **1**. Bir zady boýaga batyrmak, boýag çalmak, reňklemek. **2**. Hapa bulamak, tegmil degirmek, hapalamak.

**BOÝAMAKLYK** [boýomokluk], *iş ady.* Boýamak ýagdaýy.

**BOÝANMAK** [boýonmok], *işl.* Özüň üçin bir zat boýamak. *Köýnek boýanmak.*

**BOÝAŞDYRMAK** [boýoşdurmok], *işl.* Boýap çykmak, boýaga ýatyryşdyrmak, reňkleşdirmek. *Mata boýaşdyrmak. Ýüplük boýaşdyrmak.*

**BOÝAŞMAK** [boýoşmok], *işl.* Boýamaga kömekleşmek, reňkleşmek. *Ýüplük boýaşmak. Mata boýaşmak.*

**BOÝATDYRMAK** [boýotdurmok], *işl.* Birine boýag çaldyrtmak, boýaga ýatyrtdyrmak, reňkletdirmek. *Mata boýatdyrmak. Ýüpek boýatdyrmak.*

**BOÝATMAK** [boýotmok], *işl.* Birine boýag çaldyrmak, boýaga ýatyrtmak, reňkletmek. *Mata boýatmak. Ýüplük boýatmak.*

**BOÝAÝYŞ** [boýoýuş], *iş ady.* Boýamak ýagdaýy.

**BOÝBODRAN** [boývoduron], *at, ösüml.d.* Baldagy inçe, telpekläp ösýän, sary gülli dermanlyk ot.

**BOÝÇY**, *at.* **1**. Suw boýlanýan, suwuň çuňlugy ölçelýän ölçeg agajy. **2**. Suwuň ýüzünde dikje durýan çöpjagaz. *Gündizine ol hyşadan boýçy edip, suwuň ýelesinden goýberdi* (N. Pomma). **3**. Çaýly käsede dikelip durýan çaý çöpi. *Çaý içdim, käsämde bir boýçy gördüm* (A. Kekilow).

**BOÝDAN-BAŞA** [boýdon-maşa], *hal.* Başdan--aýak, başyndan ahyryna çenli, hemmesi. *Tiz wagtdan ony gül ýaly edip abatlarys, boýdan-başa reňkläris* ("Türkmenistan").

**BOÝDAŞ** [boýdoş], **1**. *syp.* Boýy deň bolan. *Bir göwre oslagsyz ýerde onuň bilen boýdaş boldy* (B. Kerbabaýew). **2**. *at.* Deň-duş, jora (aýal-gyzlar hakynda).

**BOÝLAMA** [boýlomo], *iş ady.* Boýlamak ýagdaýy.

**BOÝLAMAK** [boýlomok], *işl.* **1**. Suwuň, çukuryň çuňlugyny ýa-da bir zadyň beýikligini boýuňa deňemek.

*Oglanlar suwuň çuňlugyny boýladylar*. **2**. Çuňlugy boýuňa garanda çuň bolmak. *Ol howuz meni boýlaýar.* **3**. *göç.m.* Boýy deregiň, çynaryň we ş.m. boýuna deňleşmek. *Çykdym çynar boýladym, Elde ýaglyk oýnadym* (Halk döredijiliginden).

**BOÝLAMAKLYK** [boýlomokluk], *iş ady.* Boýlamak ýagdaýy.

**BOÝLANMAK** [boýlonmok], *işl.* **1**. Suwuň, çukuryň çuňlugy ýa-da bir zadyň beýikligi, giňligi boý bilen ölçelmek. **2**. *göç.m.* Batmak, gümra bolmak. *Geçen döwri ýatlap, pikire boýlandy.*

**BOÝLATMAK** [boýlotmok], *işl.* Suwuň, çukuryň çuňlugyny boý bilen ölçetmek. *Suw boýlatmak*.

**BOÝNAK** [boýnok], *syp.* **1**. Örän çus (mal hakynda). **2**. Mal derisiniň boýun tarapy.

**BOÝNAMA** [boýnomo], *iş ady.* Boýnamak ýagdaýy.

**BOÝNAMAK** [boýnomok], *işl.* **1**. Boý almak, ösmek, örmek. *Oýnap ekseň, boýnap biter* (Nakyl). **2**. Gidip barýan ugrundan, belli bir sebäbe görä, eýläk-beýläk sowulmak, ýoldan çykmak (çapylýan at hakynda). *Şol barmana bir ýaby boýnap, hatara düýäň arasyna urdy* (B. Kerbabaýew). **3**. Işe öwrenişmek, işe endik edip başlamak (mal hakynda). *Ýaş öküz işe boýnady.*

**BOÝNAMAKLYK** [boýnomokluk], *iş ady.* Boýnamak ýagdaýy.

**BOÝNATMAK** [boýnotmok], *işl.* **1**. Boý aldyrmak, ösdürip ýetişdirmek. *Üzümleri boýnatmak.* **2**. Gidip barýan ugrundan eýläk-beýläk sowdurmak, ýoldan çykarmak (mal hakynda). **3**. Işe öwrenişmek, işe endik etdirmek (mal hakynda).

**BOÝNOŇURGA** [boýnoňurğo], *at. anat.* Oňurganyň boýnuň ýeňsesinde ýerleşýän bölegi. *Boýnoňurgasy agyrmak*.

**BOÝNUÝOGYN** [boýnuýoğuýn], *syp.* Bir işi, ýumşy ýerine ýetirmegi özüne kiçilik bilýän, özüni hondanbärsi tutýan.

**BOÝNUÝOGYNLYK** [boýnuýoğuýnluk], *at.* Bir işi, ýumşy ýerine ýetirmegi özüňe kiçilik bilmeklik, özüňi hondanbärsi tutmaklyk. *Boýnuýogynlyk batyrlygyň alamaty däldir* ("Türkmenistan").

**BOÝRA** [boýro], *at.* Ýeken ösümliginiň uzyn ýasy ýapragyndan örülýän düşek. *Boýra düşegimni aldy astymdan* (Magtymguly). *Sypalyň üstüne düşelen ýyrtyk boýra bilen oňşuk etmeli bolupdyk* ("Edebiýat we sungat").

**BOÝUN**, *at.* **1**. Ynsan we janly-jandarlarda bedeniň kelle bilen göwräni birleşdirýän bölegi. **2**. Küýze, çüýşe ýaly gap-gaçlaryň agzynyň inçelýän bölegi, bokurdak. *Boýny uzyn çüýşe.* **3**. Geýim-gejimiň kellä geýdirilýän bölegi, ýakanyň ýokarky bölegi, ýaka. *Köýnegiň boýny giň bolýar.*

◊ **Boýnuna goýmak** biriniň günäsini ýüzüne aýdyp subut etmek. *Onuň etmişini boýnuna goýdum.* **Boýnuna nogta (syrtmak) salmak** biriniň ygtyýaryny doly suratda ele almak, özüňe garaşly etmek. **Boýnuna (üstüne) ýüklemek** bir işiň jogapkärçiligini tabşyrmak, borçly etmek. **Boýnuňy almaň sapagy ýaly edip durmak** gaýgyly halda başyňy dik tutup bilmän, aşak sallap durmak. *Sen näme ederiňi bilmän, boýnuňy almaň sapagy ýaly edip dursuň, kim göwnüňi ýykdy, kim seni çykalgasyz güne saldy?* **Boýnuny sogurmak** öldürmek. **Boýny çapgy ýassygy ýaly** gaty semräp, boýny ýognan. **Boýun almak 1)** özüň baradaky bir zadyň hakykydygy, dogrudygy bilen ylalaşmak. *Ine, syryp ýörüs köçeleň boýun, Bir-birmiz tanaman, nobata durus, Geliň, syr saklaman, alalyň boýun, Şol daşy näçämiz göterip ýörüs* (G. Ezizow). *Men ýalňyşymy boýun aldym*. **2)** bir işi, ýumşy ýerine ýetirmegi wada etmek, söz bermek. *Bular ähli işi bitirmegi boýun aldylar* (A. Gowşudow). **Boýun bolmak 1)** bir işi ýerine ýetirmäge razy bolmak. **2)** garaşly bolmak, tabyn bolmak, boýun egmek. **Boýun burmak 1)** bir zat üçin ötünç soramak, ýalbarmak, birinden haýyş etmek. **2)** birine garaşly, bagly bolmak. **Boýun egmek (synmak)** tabyn bolmak, garaşly bolmak. *Olara boýun synmarys* (A. Gowşudow). **Boýun etmek 1)** boýun egdirmek, tabyn etmek. *Adamzat özünden güýçli haýwanlary-da özüne boýun edýär* ("Edebiýat we sungat"). **2)** bir işi ýerine ýetirmäge razy etmek. *Olar tä daň atýança saz çalyp bermäge boýun edip gelýärdi* (N. Saryhanow). **Boýun towlamak (gaçyrmak)** bir işi ýerine ýetirmejek bolmak, etmejek bolmak.

**BOÝUNÇA** [boýunço], "Bir zat esasynda, bir zada laýyklykda, bir zada görä" diýen manyda gelýän sözsoňy kömekçi. *Aýsyz dury asmanyň ýyldyzlary öz kanunlary boýunça asudalyk bilen balkyldaşýardy* (B. Kerbabaýew).

**BOÝUNLAK** [boýunlok], *syp.* Ýogyn ýa-da uzyn boýunly.

**BOÝUNLYK** [boýunluk] **I**, *at.* Bukawyň boýnuňdan asylýan gaňyrçakly, ýarym aýlaw kümüş halkasy.

**BOÝUNLYK** [boýunluk] **II**, *at.* Düýäniň boýnuna atylýan gyralary gotazly bezeg.

**BOÝUNMÜNDÜK** [boýunmünnük]**: boýunmündük etmek** boýna mündürip götermek. *Oglany boýunmündük etmek.*

**BOÝUNSA** [boýunso], *at.* **1**. Çybyn, gögeýin çakmasyn diýip, atyň, düýäniň boýnuna örtülýän (ýapylýan) örtük. **2**. *gepl. d.* Boýuntyryk.

**BOÝUNTYRYK** [boýunturuk], *at.* **1**. Goşa goşulýan mallaryň boýnunyň üstünden atylýan, her tarapy iki samaçawly ýogyn agaç. Künde, boýuntyryk,

ýerdemir, mala hem-de beýleki şaýlary howlynyň ortasyna çykaryp, birlaý elden geçirdiler (B. Seýtäkow). **2**. *göç. m.* Zulum, sütem.

**BOÝUNTYRYKLAMA** [boýunturuklama], *iş ady.* Boýuntyryklamak ýagdaýy.

**BOÝUNTYRYKLAMAK** [boýunturuklamak], *işl.* **1**. Boýuntyryk atmak, boýuntyryk salmak. **2**. *göç.m.* Zorluk bilen garaşly etmek, boýun egdirmek, tabyn etmek.

**BOÝUNTYRYKLAMAKLYK** [boýunturuklamakluk], *iş ady.* Boýuntyryklamak ýagdaýy.

**BOÝUNTYRYKLANMAK** [boýunturuklanmak], *işl.* **1**. Boýuntyryk atylmak, boýuntyryk salynmak. **2**. *göç.m.* Garaşly edilmek, tabyn edilmek.

**BOÝUNTYRYKLAŞMAK** [boýunturuklaşmak], *işl.* **1**. Boýuntyryk atyşmak, boýuntyryk salyşmaga kömekleşmek. **2**. *göç.m.* Garaşly edişmek, boýun egdirişmek, tabyn edişmek.

**BOÝUNTYRYKLATMAK** [boýunturuklatmak], *işl.* **1**. Boýuntyryk atdyrmak, boýuntyryk saldyrmak. **2**. *göç.m.* Garaşly etdirtmek, boýun egdirtmek, tabyn etdirtmek.

**BOÝUNTYRYKLAÝYŞ** [boýunturuklaýyş], *iş ady.* Boýuntyryklamak ýagdaýy.

**BOÝUR-BOÝUR** [boýur-voýur]**: boýur-boýur ýaş (akmak) dökmek** boýurganyp, zeýrenip, düwme-düwme göz ýaşly aglamak. *Ataly-ogul gözlerinden boýur-boýur ýaş döküp, şeýle bir naýynjar garadylar* (S. Myradow).

**BOÝURDAMA** [boýurdomo], *iş ady.* Boýurdamak ýagdaýy.

**BOÝURDAMAK** [boýurdomok], *işl.* Düwme-düwme bolup dökülmek, boýur-boýur akmak. *Onuň gözünden ýene-de ýaş boýurdady.*

**BOÝURDAMAKLYK** [boýurdomokluk], *iş ady.* Boýurdamak ýagdaýy.

**BOÝURDATMAK** [boýurdotmok], *işl.* Düwme-düwme ýaş dökmek, boýur-boýur ýaş akmak, ýaş döküp aglamak. *Ol göz ýaşyny boýurdadyp otyr* (N. Pomma).

**BOÝURDAÝYŞ** [boýurdoýuş], *iş ady.* Boýurdamak ýagdaýy.

**BOÝURGANMA** [boýurgonmo], *iş ady.* Boýurganmak ýagdaýy.

**BOÝURGANMAK** [boýurgonmok], *işl.* **1**. Begenç ýa-da gynanç zerarly gözünden ýaş dökmek. *Onuň boýurganyp oturyşyny köp adam gördi*. **2**. Aglaýjak-aglaýjak bolup ýalbarmak, özelenip ýalbarmak, zeýrenip aglamak. *Ol kömek tama edip boýurgandy.*

**BOÝURGANMAKLYK** [boýurgonmokluk], *iş ady.* Boýurganmak ýagdaýy.

**BOÝURGANYŞMAK** [boýurgonuşmok], *işl.* Birtopar bolup boýurganmak, köpçülik bolup boýurganmak. *Bu adamlaryň boýurganyşyp oturanyny görýärmiň?*

**BOZ**, *syp.* **1**. Çalymtyl reňk. *Ak iner çökmese, boz maýa gaýmaz* (Nakyl). *Ata, boz at* ("Görogly"). **2**. Ekin ekilmedik, özleşdirilmedik (ýer hakynda). *Asyrlaryň dowamynda bol-telki suw garasyny görmedik boz ýerlere nem gerekdi* ("Türkmenistan").

◊ **Boza çykmak** boz ýeri ekip, özleşdirip, onuň üstüne göçüp barmak. *Berkeli aga halypalyk etdi. Sürümi nädip geçirmelidigini öwretdi. Azal, künde, garawüli näme, ...toýnuk ýer, boza çykmak... näme, güýzki şüdügär, gök (giçki) şüdügär, ýer göçürmek näme, garasaý, kän-kän zat hakda "däninim" hem "neme" sözlerini birsyhly gaýtalap aýtdy, garaňky düşdi gitdi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Döwlet guşy").

**BOZAGAN** [bozogon], *at, ösüml.d.* **1**. Owunjak däneli, ysly, pürli ösümlik. *Şemalyň ösýän tarapyndan bozaganyň, ýowşanyň ysy gelýärdi.* **2**. Oglana dakylýan at.

**BOZAGANLYK** [bozogonluk], *at.* Bozaganyň köp biten ýeri. *Biz köp ýöräp, az ýöräp, bozaganlyga ýetdik.*

**BOZARMAK** [bozormok], *işl.* Çalymtyl reňk almak, boz reňke öwrülmek. *Meýdan bozaryp görünýärdi.*

◊ **Bozaryp gyzarmak** bir zat sebäpli ýüzüň reňki üýtgemek. *Ol utanjyndan ýaňa bozaryp gyzarýardy.*

**BOZDURMAK** [bozzurmok], *işl.* Bozmak işini başga birine etdirmek, bozular ýaly etmek; bozulmak katdyna ýetirmek.

**BOZGAK** [bozğok], *syp.* Agzalaçylyk döredip ýören, başbozar, ýykgynçy.

**BOZGAKÇYLYK** [bozğokçuluk], *at, ser.* **Bozgaklyk**.

**BOZGAKLYK** [bozğokluk], *at.* Agzalaçylyk döretmek bilen meşgullyk, başbozarlyk, ýykgynçylyk edijilik. *Meniň ýüregimde zerrejik bozgaklyk bolman, men bagtly ýaşaýyş ýolunda gadam urýan ahyry* (B. Kerbabaýew).

**BOZGUÇ** [bozğuç/pozğuç], *at.* Galam, syýa bilen ýazylan, ýazgylary, çyzylan çsyzgylary bozup aýyrmak üçin ulanylýan okuw esbaby, pozguç.

**BOZLAMA** [bo:zlomo], *iş ady.* Bozlamak ýagdaýy.

**BOZLAMAK** [bo:zlomok], *işl.* **1**. Zaryn seslenmek (düýe, köşek hakynda). *Ak maýa aldyrsa elden köşegin, Bagryn bozup bozlamaýyn bolarmy?* (Magtymguly). *Köşejigiň sokduryp bozlaýan näzik sesi gulaga gelýärdi* (A.Gowşudow). **2**. *göç.m.* Zaryn seslenmek, nala çekmek, aglamak. *Perzendini ýitirenine bozlap aglaýar*.

**BOZLAMAKLYK** [bo:zlomokluk], *iş ady.* Bozlamak ýagdaýy.

**BOZLAŞMAK** [bo:zloşmok], *işl.* **1**. Birnäçe bolup bozlamak (düýe, köşek hakynda). *Jerenleriň gezer düzde, Bozlaşar düýeler bozda* ("Görogly"). **2**. *göç.m.* Birtopar bolup zaryn ses etmek, nala çekişmek, aglaşmak.

**BOZLAÝYŞ** [bo:zloýuş], *iş ady.* Bozlamak ýagdaýy.

**BOZMA** [bozmo], *iş ady.* Bozmak ýagdaýy.

**BOZMAK** [bozmok], *işl.* **1**. Bir zady ýykyp, döwüp, söküp dargatmak; sandan çykarmak, zaýalamak, haraplamak. *Çagalar guşlaryň höwürtgesini bozdular. Sagady bejerjek bolup bozmak*. **2**. Öçürip, süpürip aýyrmak. *Ýazylan haty bozmak*. **3**. Ýoldan çykarmak, azdyrmak, ýaman ýola salmak. *Ýaman dil il bozar, ýaman aýak ýol bozar* (Nakyl).

**BOZMAKLYK** [bozmokluk], *iş ady.* Bozmak ýagdaýy.

**BOZUK I**, *syp.* **1**. Döwlüp, sökülip dargadylan, sandan çykan, zaýalanan.. *Jigimiň oýunjak tüpeňi bozuk ýatyr. Nobat bozuk sagady ussa tabşyrdy.* **2**. Öçürilip, süpürilip aýrylan, bozulan. **3**. Azgyn, ýoldan çykan, ýaman ýola düşen.

**BOZUK II,** *at, sazç*. Kiriş kakar bilen çalynýan dutar şekilli türkmen saz guraly. *Bozugyň jübüt-jübüt alty kirşi, 23 töweregi perdesi, sapynyň her tarapynda 6 gulagy bar*.

**BOZULMAK** [bozulmok], *işl.* **1**. Ýykylyp, döwlüp dargamak, zaýalanmak, sandan çykmak, harap bolmak, döwülmek. *Ötdi hoş wagt, horram wagtym, Bozuldy tylladan tagtym* (Magtymguly). *Olar gara ýollaryň bozulan ýerlerini düzedýärler.* **2**. Öçürilip, süpürilip aýrylmak. *Daşdaky ýazgylar bozulypdyr.* **3**. *göç.m.* Azmak, ýoldan çykmak, ahlaksyz bolmak. *Özüni ýüň sakal eder, Bozulan ile baş bolan* (Magtymguly). **4**. Uly gaýgydan ýa-da begençden ýaňa bogazyň dolmak, hamsykmak. *Ol başyndan geçen wakalary ýatlap birden bozuldy.*

**BOZULMAZLYK** [bozulmozluk], *işl. ady.* **1**. Bozulmak hereketi bolup geçmezlik, amala aşmazlyk. **2**. Ruhy sarsgyn sebäpli bogazy dolmazlyk, hamsykmazlyk. *Gyzym, bozulma-da, ýagdaýa seret, Howlukma, darykma, bar-da pikir et* (A. Kekilow).

**BOZUŞ**, *iş ady.* Bozmak ýagdaýy.

**BOZUŞDYRMAK** [bozuşdurmok], *işl.* Bir ýan ujundan yzly-yzyna bozup çykmak. *Tagtanyň ýüzündäki ýazgylary bozuşdyrdy.*

**BOZUŞMAK** [bozuşmok], *işl.* **1**. Bozmaga kömekleşmek. **2**. Bilelikde bozmak.

**BOZ-ÝAZ: boz-ýaz bolmak** bir zat sebäpli ýüzüň reňki üýtgemek, ýüzüň gan-peti gaçmak. *Bu gelşiksiz ýagdaýa ýüzleri boz-ýaz bolan Nurjahan heniz özüni rastlap bilmändi* (B. Pürliýew).

**BÖGÜRIŞ** [bö:ğürüş], *iş ady.* Bögürmek ýagdaýy.

**BÖGÜRIŞMEK** [bö:ğürüşmök], *işl.* Birtopar bolup bögürmek, köpçülik bolup bögürmek. *Göleler bögürişýärler*.

**BÖGÜRMEK** [bö:ğürmök], *işl.* **1**. "Bö" edip seslenmek (käbir mal hakynda*)*. **2**. *göç.m.* Gaty sesli aglamak, gygyryp aglamak. *Ol çydam etmän, ýogyn ses bilen bögürmäge başlady.*

**BÖGÜRMEKLIK** [bö:ğürmöklük], *iş ady.* Bögürmek ýagdaýy.

**BÖGÜRTMEK** [bö:ğürtmök], *işl.* Bögürmäge sezewar etmek, mejbur etmek.

**BÖKDELMEK** [bökdölmök], *işl.* Bir hereketiň ýa-da ösüşiň öňi böwetlenmek, päsgel berilmek, saklanmak. *Gurluşygyň bökdelmegine ýol bermäliň.*

**BÖKDEME** [bökdömö], *iş ady.* Bökdemek ýagdaýy.

**BÖKDEMEK** [bökdömök], *işl.* Bir herekete ýa-da ösüşe päsgel bermek, yza çekdirmek; saklamak, duruzmak. *Agşamky ýagyş ösüşi bökdedi, ýogsam, şu gün borçnamany dolaýmagymyzam ahmaldy* ("Türkmenistan").

**BÖKDEMEKLIK** [bökdömöklük], *iş ady.* Bökdemek ýagdaýy.

**BÖKDENÇ** [bökdönç], *at.* Bir hereketiň ýa-da ösüşiň öňüni saklaýan päsgelçilik, böwet, kynçylyk. *Ine, bu hat oňa bökdenç bolupdyr* (A. Durdyýew).

**BÖKDENÇLIK** [bökdönüşlük], *at.* Päsgelçilik.

**BÖKDENÇSIZ** [bökdönüşsüz], *syp.* Päsgelçiliksiz. *Ýer eýeleriniň ýyly üstünlikli jemlemegi üçin ähli şertleri döretmek, kemala getirilen hasyly bökdençsiz kabul etmek kärhananyň işçileriniň baş maksadydyr* ("Türkmenistan").

**BÖKDENÇSIZLIK** [bökdönüşsüzlük], *at.* Bökdenji ýokluk, bökdenç bolmazlyk. *Işdäki bökdençsizlik borçnamanyň ýerine ýetmegine ýardam edýär.*

**BÖKDENMEK** [bökdönmök], *işl.* **1**. Uly päsgelçilige sezewar bolmak. *Ol bir sebäp bilen bökdendi.* **2**. Saklanmak, durmak. *Iş bökdendi*.

**BÖKDERILMEK** [bökdörülmök], *işl.* Eýeriň ardyna, syrtyna ýük urulmak, ýüklenmek.

**BÖKDERIŞ** [bökdörüş], *iş ady.* Bökdermek ýagdaýy.

**BÖKDERIŞMEK** [bökdörüşmök], *işl.* Bökdermäge kömekleşmek.

**BÖKDERGI** [bökdörğü], *at.* Eýeriň ardyna, syrtyna dolanyp daňylýan ýük. *Ýartygulak bildirmän, onuň atynyň üstüne çykyp, bökderginiň syrtynda jaýlaşdy. Onuň bökdergesinde bolsa, gyrmyzy don, ak telpek, tirme guşak we beýleki gerekli zatlar bar eken* ("Türkmen halk ertekileri").

**BÖKDERME** [bökdörmö], *iş ady.* Bökdermek ýagdaýy.

**BÖKDERMEK** [bökdörmök], *işl.* Eýeriň ardyna, syrtyna bökdergini berkitmek. *Görogly atynyň bökdergisini bökderip, ata atlandy* ("Görogly").

**BÖKDERMEKLIK** [bökdörmöklük], *iş ady.* Bökdermek ýagdaýy.

**BÖKDÜRMEK** [bökdürmök], *işl.* **1**. Birini ýa-da bir zady ýokary-ýokary towusdyrmak. *Akposalak bäbegi gundamak, ele alyp bökdürmek — gör, nähili uly bagt!* (B. Kerbabaýew). **2**. Siltemek, silterlemek, batly towusdyrmak. *Maşyn bökdürýär.*

**BÖKE** [bökö], *at, gepl.d.* Pälwan. *Ýykylsaň – bökeden (ýykyl)!* (Atalar sözi).

**BÖKEJEKLEÝIŞ** [bököjöklöýüş], *iş ady.* Bökejeklemek ýagdaýy.

**BÖKEJEŇ** [bököjöň] **I**, *syp., kön. s.* Beýik ökjeli (aýakgap hakynda). *Bökejeň ädik bek basar* (Nakyl).

**BÖKEJEŇ** [bököjöň] **II**, *syp., gepl.d.* Bökmäge ykjam, ökdelik bilen towusýan.

**BÖKELEK** [bökölök], *at, haýwanat d.* Haýwanlary çakýan, gögeýine meňzeş möjejik. *Gögeýinler, gan sorujy bökelekler maldarçylygyň ganym duşmanlarydyr.*

**BÖKJEKLEME** [bökjöklömö], *iş ady.* Bökjeklemek ýagdaýy.

**BÖKJEKLEMEK** [bökjöklömök], *işl.* **1**. Towsup-towsup, böküp-böküp gitmek, bökjeklemek, towsaklamak. *Göwni aram tapan Nazar bökjekläp içerik girdi* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Şadyýan oýnamak, şadyýanlyk bilen towsaklamak. *Ol gaýgyda müzzerip, şatlykda bökjekleýän ýeňles adamlar hilinden bolman, gaýgy bilen şatlygy bir keşpde başarýan ýigitdi* (B. Kerbabaýew).

**BÖKJEKLEMEKLIK** [bökjöklömöklük], *iş ady.* Bökjeklemek ýagdaýy.

**BÖKJEKLEŞMEK** [bökjöklöşmök], *işl.* Birtopar bolup bökjekläp ýörmek, köpçülik bolup bökjeklemek, bökejekleşmek.

**BÖKJEKLEÝIŞ** [bökjöklöýüş], *iş ady.* Bökjeklemek ýagdaýy.

**BÖKME** [bökmö], *iş ady.* Bökmek ýagdaýy.

**BÖKMEK** [bökmök], *işl.* **1**. Towsup bir ýerden ýa-da bir zadyň üstünden geçmek, böküp düşmek. *Ol giň ýapdan böküp geçdi.* **2**. Ýere ýa-da bir ýerde urlup, ýokary ýa-da gapdala gitmek. *Batly urlan top ýere degip, ýokary bökdi.* **3**. *göç.m.* Ýüregiň heýjana gelmegi. *Söýgi sözüni eşiden badyna ýüregi böküp başlady.*

◊ **Böküp turmak** tarsa, birden, çalt ýeriňden turmak. *Guwanç ýerinden böküp turdy.*

**BÖKMEKLIK** [bökmöklük], *iş ady.* Bökmek ýagdaýy.

**BÖKÜŞ**, *iş ady.* **1**. Bökmek ýagdaýy. **2**. *göç.m.* Birbada öňe gidiş, çalasynlyk bilen ösüş. *Bize böküş etmek gerek, galkynmak gerek* ("Türkmenistan"). *Ykdysady böküş.*

**BÖKÜŞMEK** [böküşmök], *işl.* **1**. Birnäçe bolup bökmek, köpçülikleýin bökmek. *Ýigitler ýerlerinden böküşip turdular* (B Seýtäkow). **2**. Towsuşyp oýnaşmak, şatlanyşyp bökjekleşmek. *Oglanlar böküşip oýnap ýördüler*. **3**. Bökmek boýunça ýaryşmak. *Ýaryşa gatnaşýanlar uzynlygyna böküşýärler.*

**BÖLDÜRMEK** [bö:llürmök], *işl.* **1**. Bir zady bölekledip paýlatmak. *Et böldürmek.* **2**. Bölekletmek, maýdalamak, bölek-bölek etdirmek, owratmak. *Ýigrimi manady böldürmek.*

**BÖLEK** [bö:lök], *syp.* **1**. Bitewiden bölünen, bir zatdan belli bir mukdarda bölünen. *Bir bölek çörek.* **2**. *teh.* Maşynyň we ş.m. şaýy. *Ol maşynyň ähli böleklerini bäş barmagy ýaly bilýär.* **3**. San taýdan köp bolmadyk, kiçijik topar. *Bir bölek mal*. **4**. Eseriň we ş.m. bölümi, parça. *Okuwçylar eposdan bölekleri ýat tutdular.* **5**. Ýeriň-ýurduň, ülkäniň bir tarapy, künjegi. *Biziň öýümiz şäheriň günbatar-demirgazyk böleginde ýerleşýär.*

**BÖLEK-BÖLEK** [bö:lök-bö:lök], *syp.* **1**. Böleklere bölünen, birnäçe bölekden ybarat bolan. **2**. Toparlara bölünen, topar-topar, süri-süri. *Bölek-bölek kepderler "hüw!" diýr harman içinde* (Magtymguly). **3**. Dagynyk, pytraňňy. *Bölek-bölek gara bulutlar.* **4**. Tike-tike, ýyrtyk-ýyrtyk, para-para. *Onuň eginbaşy bölek-bölek bolupdyr*.

**BÖLEK-BÖLEKLIK** [bö:lök-bö:löklük], *at.* **1**. Bölek-bölek bolan ýagdaýynda bolmaklyk. **2**. Topar-toparlyk, süri-sürülik. **3**. Dagynyklyk, pytraňňylyk.

**BÖLEK-BÜÇEK** [bö:lök-büçök], *syp.* Uly bolmadyk, ownuk-uşak, maýda-çüýde, bölek-bölek, böleklere bölünen. *Ýel ýatyp, bölek-büçek bulut asmanda sozulyp gitdi*.

**BÖLEK–BÜÇEKLIK** [bö:lek-büçöklük], *at*. Uly bolmadyk, bölek-bölek, böleklere bölünen.

**BÖLEKLEME** [bö:löklömö], *iş ady.* Böleklemek ýagdaýy.

**BÖLEKLEMEK** [bö:löklömök], *işl.* **1**. Böleklere bölmek, bölek-bölek etmek. **2**. Ownutmak, maýdalamak, owratmak, uşatmak (pul hakynda). *Onlugy böleklemek*.

**BÖLEKLEMEKLIK** [bö:löklömöklük], *iş ady.* Böleklemek ýagdaýy.

**BÖLEKLENMEK** [bö:löklönmök], *işl.* **1**. Böleklere bölünmek, bölek-bölek edilmek. *Töňňe böleklendi*. **2**. Ownudylmak, maýdalanmak, owradylmak, uşadylmak (pul hakda). **3**. Dagynyk bolmak, toparlara bölünmek.

**BÖLEKLEŞDIRMEK** [bö:löklöşdürmök], *işl.* **1**. Böleklere bölüşdirmek, bölek-bölek edip çykmak. *Olar çöregi bölekleşdirip, jamdaky çorba batyryp, işdä*

*bilen iýýärler.* **2**. Ownudyşdyrmak, maýdalaşdyrmak, owradyşdyrmak, uşadyşdyrmak (pul hakynda).

**BÖLEKLEŞMEK** [bö:löklöşmök], *işl.* **1**. Böleklere bölüşmek, bölek-bölek edişmek. **2**. Ownudyşmak, maýdalaşmak, maýdalamaga kömekleşmek.

**BÖLEKLETMEK** [bö:löklötmök], *işl.* **1**. Böleklere böldürmek, bölek-bölek etdirmek. *Uly ojarlary peje salar ýaly bölekletmek*. **2**. Ownutdyrmak, maýdalatmak, uşatdyrmak (pul hakynda). *Iri pullary bölekletmek.*

**BÖLEKLEÝIN** [bö:löklöýün], *hal.* Bölekler boýunça, tutuşlaýyn däl, lomaý däl, ýarpy-ýalta. *Aýyň ýarym kölegesiniň düşen ýerinde Gün diňe bölekleýin tutulýar.*

◊ **Bölekleýin baha** bölekleýin söwdadaky harytlaryň gös-göni ilata satylýan mahalyndaky bahasy.

**BÖLME** [bö:lmö] **I**, *iş ady.* Bölmek ýagdaýy.

**BÖLMEK** [bö:lmök], *işl.* **1**. Bir zady birnäçe bölek etmek. *Garpyzy iki bölüp ýarmak.* **2**. Ownutmak, maýdalamak, owratmak, uşatmak (pul hakynda). *Iri puly bölmek*. **3**. Bir zady öz aýratynlyklary boýunça biri-birinden aýyrmak. **4**. *gepl.d.* Bir zady böwüsmek, ýaryp geçmek. *Gaýyklar gök çüýşe ýaly suwy bölüp, süýnüp ugrady.* **5**. Böleklere bölüp, paýlap bermek. *Gawunlary dilim-dilim edip, çagalara bölüp berdiler.* **6**. *hasap.* Paýlamak. *Otuzy bäşe bölseň, altydan ýetýär.* **7**. *göç.m.* Arasyny kesmek (gürrüň, saz we ş.m.). *Ol edilip oturylan gürrüňi böldi.*

**BÖLMEKLIK** [bö:lmöklük], *iş ady.* Bölmek ýagdaýy.

**BÖLTEMEK** [bö:ltömök], *işl., gepl. d.* **1**. Kemeltmek, azaltmak, egismek. *Agyr sürini böltäp, suwa goýbermek üçin, çoluk häzir bolup durmaly.* **2**. Gürrüňiň, pikiriň we ş.m. arasyny kesmek, arasyny üzmek. *Gylyçly onuň sözüni böltäp: — Beý diýmäň, işan aga, bu arada ýaraşmaz ýaly hiç zat ýok — diýdi* (G. Kulyýew).

**BÖLÜJI** [bö:lüjü], *syp.* **1**. Böleklere bölýän, bölekleýji, paýlaýjy. **2**. *at, mat.* Sanawjyny bölýän maýdalawjy.

**BÖLÜM** [bö:lüm], *at.* **1**. Bir edaranyň, kärhananyň we ş.m. aýry-aýry pudagy. *Mekdepde dokmaçylary, egrijileri, tikinçileri, ýüpekçileri taýýarlaýan bölüm bar.* **2**. Ýokary okuw jaýynyň belli bir hünär boýunça hünärmenleri taýýarlaýan ugry. *Dil-edebiýat bölümi.* **3**. Ylmy-barlag edaralarynyň belli bir ugur boýunça meşgullanýan pudagy. *Halk döredijiligi bölümi.* **4**. *teatr.* Sahnada goýulýan oýunlaryň, görkezilýän tomaşalaryň bir bölegi. *Oýnuň birinji bölümi gutardy.* **5**. Goşunyň birnäçe adamdan ybarat pudagy. 127-*nji bölümiň esgerleri.* **6**. Kitabyň, gazetiň mazmun boýunça bölünýän baby. **7**. Uly dükanyň belli bir ugurdan zat satýan bölegi, tarapy, gapdaly. *Dükanyň aýakgap bölümi.*

**BÖLÜMÇE** [bö:lümçö], *at.* Bölümden kiçi düzüm.

**BÖLÜNIJI** [bö:lünüjü], *at, mat.* Bölüjä bölünýän san.

**BÖLÜNIJILIK** [bö:lünüjülük], *at, mat.* Bir bitin sanyň başga bir sana galyndysyz bölünmeklik täri.

**BÖLÜNIŞIK** [bö:lünüşük], *işl.* Öz ugurlary, kärleri, derejeleri boýunça toparlara bölünmeklik.

**BÖLÜNIŞMEK** [bö:lünüşmök], *işl.* Bölek-bölek bolmak, aýrylyşyp özbaşdak bolmak.

**BÖLÜNMEK** [bö:lünmök], *işl.* **1**. Böleklere bölünmek, bölek-bölek bolmak. *Çar tarap kiçijik-kiçijik atyzlara bölünen ekerançylyk meýdanydy* (G. Kulyýew). **2**. Aýrylyp özbaşdak bolmak. *Ýol aýyrtda üçe bölünýärdi.* **3**. Döwülmek, böleklenmek. *Käse iki bölündi*. **4**. *mat*. Paýlanmak, bölüniji bolmak. *Bölünýän sanlar.*

**BÖLÜŞ** [bö:lüş], *iş ady.* Bölmek ýagdaýy.

**BÖLÜŞDIRMEK** [bö:lüşdürmök], *işl.* **1**. Bölek-bölek edişdirmek, bölekläp çykmak. *Ojary bölüşdirip örüp goýduk.* **2**. Paýlap çykmak, paýlaşdyrmak. *Depderleri okuwçylara ýetdiginden bölüşdirip berdiler.* **3**. Hilleri, görnüşleri we ş.m. aýratynlyklary esasynda topara bölüp çykmak.

**BÖLÜŞMEK** [bö:lüşmök], *işl.* Bölek-bölek edişmek, paýlaşmak. *Deň-duşlary bilen bölüşip iýerdi* ("Görogly").

**BÖREK** [böröк] **I**, *at.* Ýaýylyp kesilen hamyryň içine et, ýumurtga ýa-da gök önümler salnyp bükülip bişirilýän nahar. *Agşam iýlen ýumurtga böregiň öldürmeýşine haýran, irden iýlen ýumurtga böregiň uçurmaýşyna haýran* (Atalar sözi). *Türkmen saçagynda omaçaly çorbalar, agzyňda eräp barýan börekler, bugaryp duran palawlar gitdigiçe köp görünýär* ("Türkmenistan").

**BÖREK** [börök] **II**, *at, ösüml.d.* Ýumşak baldakly däneli ot.

**BÖREKLIK** [böröklük], *syp.* Börek taýýarlamak üçin gerek bolan. *Böreklik et. Böreklik hamyr.*

**BÖREŇ-BÖREŇ** [böröň-vöröň], *syp.* Köp ýygnanan, börňüldäp ýatan (suw, nebit we ş.m. suwuklyklar hakynda). *Sil suwy ýygnanyp, böreň-böreň bolup ýatyr.*

**BÖRI** [bö:rü], *at.* **1**. *haýwanat d*. Daş sypaty ite meňzeş ýyrtyjy, wagşy haýwan, möjek, gurt. *Ýusup jany böri iýdi diýdiler* (Magtymguly). **2**. Oglana dakylýan at.

**BÖRTDÜRMEK** [börtdürmök], *işl.* Gaharly torsaryp, gaş-gabagyňy çytmak; pökgermek. *Gabaklaryny börtdürip oturan adam ýadaw görünýärdi.*

**BÖRTME** [börtmö], **1**. *iş ady.* Börtmek ýagdaýy. **2**. *gepl. d., ser.* **Börtmeç**. *Gaýnadylan et börtmeç bolupdyr.*

**BÖRTMEÇ** [börtmöç], *at.* Gaýnamyny doly ýetirmän bişirilen et.

**BÖRTMEK** [börtmök], *işl.* Çişmek, ýellenmek, pökgermek.

**BÖRTMEKLIK** [börtmöklük], *iş ady.* Börtmek ýagdaýy.

**BÖRTÜK**, *syp.* Çişip ýellenip duran. *Onuň gabaklary börtükdi.*

**BÖRTÜLMEK** [börtülmök], *işl.* Börtüp durmak, börtük bolup durmak, çişmek, ýellenmek, pökgermek.

**BÖRÜK** [bö:rük] **I**, *at.* **1**. Daşyna gyňaç oralyp, kellä geýilýän aýal topbusy. **2**. *kön.s.* Baş gaby. *Baş aman bolsa, börük tapylar* (Nakyl). **3**. *gepl.d.* Keşde salnyp tikilýän we kellä geýilýän tahýa. *Şekeriň börügindäki sümsüleler-de oýnaýardy* (B. Kerbabaýew).

**BÖRÜK** [bö:rük] **II**, *at.* Bugdaý, jöwen dänesiniň daşyndaky ýukajyk gabyk.

**BÖWEME** [böwömö], *iş ady, gepl.d.* Böwemek ýagdaýy.

**BÖWEMEK** [böwömök], *işl., gepl.d.* Böwet bolmak, öňüni beklemek, öňüni tutmak.

**BÖWEMEKLIK** [böwömöklük], *iş ady, gepl.d.* Böwemek ýagdaýy.

**BÖWEN** [böwön], *at.* **1**. Gäwüş gaýtarýan mallaryň (düýe, sygyr, goýun, geçi) çylşyrymly garnynyň yzky bölümi. **2**. Balygyň ýüzüş haltasy.

**BÖWET** [böwöt], *at.* **1**. Ýaplarda suwuň ugruny sowmak ýa-da ony saklamak üçin gum üýşürilip edilen kiçeňräk bent. *Suwuň öňüne böwet basdyk.* **2**. *göç.m.* Ösüşe, herekete ýol bermeýän ýagdaý, kynçylyk, päsgelçilik. *Men seniň işiňe böwet bolup bilmerin.*

◊ **Böwedi böwüsmek** kynçylykdan üstün çykmak, garşylyklary ýeňip geçmek. *Ol diňe tutanýerliligi bilen ähli böwetleri böwsüp geçdi* (B. Seýtäkow).

**BÖWETLEME** [böwötlömö], *iş ady.* Böwetlemek ýagdaýy.

**BÖWETLEMEK** [böwötlömök], *işl.* **1**. Böwet basmak, böwet etmek. *Güýçli suwuň öňüni böwetlemek gaty kyn boldy.* **2**. Päsgel bermek, kynçylyk döretmek.

**BÖWETLEMEKLIK** [böwötlömöklük], *iş ady.* Böwetlemek ýagdaýy.

**BÖWETLENMEK** [böwötlönmök], *işl.* **1**. Suwuň öňüne böwet edilmek, böwet basylmak. *Ýap böwetlenenden soň, olar çaý içmäge oturdylar.* **2**. Päsgel berilmek, kynçylyk döredilmek.

**BÖWETLEŞMEK** [böwötlöşmök], *işl.* Böwet basyşmak, böwet basmaga kömek etmek.

**BÖWETLETMEK** [böwötlötmök], *işl.* **1**. Suwuň öňüni böwet etdirmek, böwet basdyrmak. **2**. Päsgel berdirmek, kynçylyk döretdirmek.

**BÖWEÝIŞ** [böwöýüş], *iş ady.* Böwemek ýagdaýy.

**BÖWREK** [böwrök] **I**, *at, anat.* Oňurgalylarda (ynsan, haýwan we ş.m.) peşew bölüp çykarýan agza. *Gawuny ýürek-damar keselleri bilen kesellänlere, böwregi agyrýanlara, az ganly adamlara-da iýmek peýdalydyr.*

◊ **Böwregiň bökmek** içki duýgyňa bäs gelmän, gülesiň gelip durmak, gülmän saklanyp bilmezlik.

**BÖWREK** [böwrök] **II**, *at, dokm.* Halylaryň älemine, gyralaryna, torbalaryň ýüzüne, eňsä we beýleki el işlerine salynýan ownuk nagyş.

**BÖWSÜLMEK** [böwsülmök], *işl.* **1**. Birden bat bilen ýarylyp bölünmek. *Bu ýerde zemin astyndan "gara altyn" böwsülip çykan ilkinji guýynyň ulanyşa tabşyrylanyna ýarym asyr bolupdyr* ("Türkmenistan"). **2**. *göç.m.* Harç bolmak, sarp edilmek. *Pul bukjasy basym böwsüldi.*

**BÖWSÜŞDIRMEK** [böwsüşdürmök], *işl.* Bat bilen ýaryşdyrmak; deşişdirip çykmak. *Syçan unly haltalary böwsüşdiripdir.*

**BÖWŞEŇ** [böwşöň], *syp.* **1**. Boşlaň, giňiş; daryşgan bolmadyk. **2**. Ýumşak (ýer, toprak hakynda). *Ol kepjesi bilen guýynyň böwşeň tarapyny gazyp başlapdyr* (B. Kerbabaýew).

**BÖWŞEŇLEME** [böwşöňlömö], *iş ady.* Böwşeňlemek ýagdaýy.

**BÖWŞEŇLEMEK** [böwşöňlömök], *işl.* **1**. Böwşeň bolmak, boşlaw bolmak, boşlaň bolmak. **2**. Gowşamak, ýuwaşamak, seýreklemek. *Ýagyş biraz böwşeňländen soň, olar ýene ýola düşdüler.* **3**. Dargap başlamak, gidişmek, dargaşmak, boşaşmak.

**BÖWŞEŇLEMEKLIK** [böwşöňlömöklük], *iş ady.* Böwşeňlemek ýagdaýy.

**BÖWŞEŇLEŞMEK** [böwşöňlöşmök], *işl.* **1**. Birneme boşamak, boşlaňlyk aralaşmak. **2**. Gowşamak, ýuwaşaşmak, seýrekleşmek. *Toplaryň gümmürdisi böwşeňleşdi* (A. Nazarow). **3**. Dargaşyp başlamak, gidişip başlamak, boşaşmak.

**BÖWŞEŇLEÝIŞ** [böwşöňlöýüş], *iş ady.* Böwşeňlemek ýagdaýy.

**BÖWŞEŇLIK** [böwşöňlük], *at.* Boşlaňlyk. *Böwşeňlik aralaşanda ol başga işe gümra boldy.*

**BÖWÜR I**, *at.* **1**. Biliň gapdal tarapy, bykyn tarapy. **2**. Garnyň art aýakdan başlanýan gapdal tarapy (haýwanlarda). *Düýäniň böwri.* **3**. Bir zadyň bir gapdaly, tarapy. *Gazanyň gyralary gädik-gädik, böwründe çat açan ýeri hem bar.* **4**. *ser.* **Dul**. *Jaýyň gap böwründe bir maýa ýaly gelin hamyr ýugurýardy.*

◊ **Böwri bükgüldemek** ynjalyksyzlanmak, birahatlanmak. *Bu ýagdaý böwrüniň bükgüldisini artdyrdy.* **Böwrüne doňuz diňini salmak** gymyldaman, diň salyp durmak, diňşirgemek. *Ol böwrüne doňuz diňini salýar, bagşysyna gözlerini agdaryp seredýär* (N.Saryhanow). **Böwrüni garaltmak** atyp öldürmek.

**Böwrüňi diňlemek** öz ýanyňdan bir zat hakda birneme oýlanmak, pikir öwürmek, diňşirgenmek. *Ol bir zat ýadyna düşüp, böwrüne diň saldy*. **Gap böwür** jaýa giren ýeriňde, köplenç, gapyň çep tarapynda gap-gaç goýulýan dul. *Jaýyň gap böwründe oturan birnäçe gelin-gyz öz aralarynda haly nagyşlarynyň üstünde jedelleşýärdi* (A. Gowşudow).

**BÖWÜR II**, *at.* Pendi nusgaly haly gölleriniň ikisiniň aralygynda ýerleşýän içi nagyşly ownuk göljagazlar.

**BÖWÜRSLEN** [böwürslön], *at, ösüml.d.* **1**. Gyzyl tudana meňzeş miwe getirýän, tikenli, gyrymsy dermanlyk ösümlik. *Ol ýerde ýaňy pyntyk ýaryp başlan böwürslenleriň arasyndan mylaýym owaz edip çeşmejik akyp ýatyrdy* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Şol ösümligiň tudana çalymdaş iýilýän miwesi.

**BÖWÜRSLENLIK** [böwürslönlük], *at.* Böwürsleniň köp gögerip oturan ýeri.

**BÖWÜSDIRMEK** [böwüssürmök], *işl.* Bat bilen böldürmek. *Öň hem ýaraly keýigiň päki ýaly syňragyna Annak buduny böwüsdiripdi* (B. Kerbabaýew).

**BÖWÜSME** [böwüsmö], *iş ady.* Böwüsmek ýagdaýy.

**BÖWÜSMEK** [böwüsmök], *işl.* **1**. Ýarmak, ýaryp çykmak. *Buraw ýeriň çuňlugyny böwüsýärdi.* **2**. Güýjüň täsiri netijesinde bölüp, ýykyp, deşip geçmek. *Düýnki güýçli gelen sil bendi böwsüpdir.*

**BÖWÜSMEKLIK** [böwüsmöklük], *iş ady.* Böwüsmek täri.

**BRIGADA** [biriğa:da], *at.* **1**. Önümçilikde özbaşdak bölünip işleýän işgärler topary. *Ol gerekli buraw enjamlaryny alyp, çaltrak brigadasyna barjakdy* (B. Kerbabaýew). *Sekiz adamdan ybarat döwekçiler brigadasy düzülip, brigadanyň ýolbaşçysy hem Sähet bellendi* (A.Gowşudow). **2**. Birnäçe ýörite goşunlaryň bölümlerinden durýan birikme ýa-da bir kysmy gämileriň harby-deňiz birikmesi. *Tank brigadasy. Motoatyjylyk brigadasy.* **3.** Otla hyzmat edýän işgärler topary.

**BRIGADIR** [birğadi:r / birğady:r ], *at*. Brigadanyň ýolbaşçysy. *Enebaý bilen Ata-da şu brigadiriň brigadasyndandylar* (B. Gurbanow).

**BRIGADIRLIK** [biriğadi:rlik], *at*. Brigadiriň käri, wezipesi. – *Sen brigadirlige razylyk beripsiň – diýdi* (N. Pomma).

**BRITANIÝALYLAR** [brita:niýalylar], *at.* Britaniýanyň ýerli ilaty, iňlisler.

**BROM** [byro:m], *at*. Ýiti hem ýakymsyz ysly suwuklyk, himiki element.

**BRONHIT** [buronhi:t / byranhi:t], *at. lukmanç.* Dem alyň ýollarynyň çişmegi görnüşinde ýüze çykýan ýarawsyzlyk, kesel.

◊ **Hroniki bronhit** uzaga çekýän bronhit keseli.

**BU** [bu], *çal.* Sözleýän adamyň ýanyndaky, golaýyndaky, elindäki zady we ş.m. görkezip gelýän görkezme çalyşmasy (baş düşümden beýleki düşümlerde san goşulmasyz üýtgände, şonuň ýaly-da, san goşulmasyz olluk ýöňkeme goşulmaly üýtgände *b* sesi *m* sesine öwrülýär: *Meselem: munuň, muňa, muny, munda, mundan*). *Bu biziň mekdebimiz. Bu adam mekdebiň ýolbaşçysy. Mundan beýläk.*

**BUDDIST** [butdi:st], *at*. Buddizme eýeriji.

**BUDDIZM** [butdi:zim], *at.* Biziň eramyzdan öň Hindistanda döräp, ony esaslandyran Gawtamyň – Buddanyň adyny göterýän din.

**BUG** [bu:ğ], *at.* **1**. Suwuň, suwuklygyň gaty gyzmagy, gaýnamagy netijesinde emele gelýän çygly howa. *Gaýnap duran gazandan çykýan bugdan ýakymly ys gelýärdi.* **2**. Gyzgyn zatdan, serlen geýimden we ş.m. zatlardan çykýan howa. *Çapylyp derlän atyň endamyndan bug çykýardy.*

**BUGA** [buğo], *at.* **1**. *kön.s.* Öküz. *Buga bilen oglan bir hemle çekişdiler* ("Kitaby dädem Gorkut"). **2**. Oglana dakylýan at.

◊ **Bugadan çykmak** sygryň öküze ýanaşjak, höwre gelmek döwri geçmek. **Buga (buka) gelmek** sygryň öküze ýanaşmak, höwre gelmek döwri başlanmak.

**BUGABASAR** [buğovasar], *at, gepl.d.* Üç ýaşyndaky tüwe, gulajyn.

**BUGARMA** [bu:ğormo], *iş ady.* Bugarmak ýagdaýy.

**BUGARMAK** [bu:ğormok], *işl.* Buga öwrülmek, bug halyna geçmek; bug çykmak. *Daşarda palaw bugarýar, çişlik tüteýä*r ("Edebiýat we sungat").

**BUGARMAKLYK** [bu:ğormokluk], *iş ady.* Bugarmak ýagdaýy.

**BUGARTMAK** [bu:ğortmok], *işl.* Buga öwürmek, bug halyna geçirmek; bug çykartmak.

**BUGARYŞ** [bu:ğoruş], *iş ady.* Bugarmak ýagdaýy.

**BUGDAÝ** [buğdoý], *at.* Uzyn baldakly däneli ösümlik we onuň dänesi. *Reň açar hoş saýaly, Seniň ysyň hoşdan, bugdaý* (Mätäji).

◊ **Ak bugdaý** gadymdan bäri ekilip gelnen türkmen bugdaýy. *Türkmeniň ak bugdaýynyň, ony ýetişdirýän gallaçynyň geljegi hasam aýdyň, hasam şöhratly* ("Türkmenistan").

**BUGDAÝBOGUN** [buğdoývoğun], *at.* **1**. *ösüml.d.* Bugdaýa meňzeş arryk däneli ot. **2**. Dürli el işlerine salynýan, bugdaý desselerine meňzeş bogun-bogun nagyş.

**BUGDAÝÇYLYK** [buğdoýçuluk], *at.* **1**. *ser.* **Bugdaýlyk**. **2**. Oba hojalygyň bugdaý ösdürip ýetişdirmek bilen meşgullanýan pudagy. *Bugdaýçylyk hojalygy*.

**BUGDAÝLY** [buğdoýly], *syp.* **1**. Bugdaý ekilen (meýdan). **2**. Içinde bugdaý bolan (gap). **4**. Oba ady.

**BUGDAÝLYK** [buğdoýluk], *at.* Bugdaý ekilen giň meýdan, bugdaýyň köp ekilen ýeri. *Bugdaýlyga suw tutup ýören kärendeçi ýigitlere uzaklardan nazaryň düşýär* ("Türkmenistan").

**BUGDAÝREŇK** [buğdoýreňk], *syp.* Bugdaý dänesiniň reňkine meňzeş (adamyň ýüzi hakynda). *Onýança işikden orta boýly, etlek, bugdaýreňk, ýaňy saçyndan ak giren aýal girdi* (A. Durdyýew).

**BUGJARMA** [bu:ğjormo], *iş ady.* Bugjarmak ýagdaýy.

**BUGJARMAK** [bu:ğjormok], *işl.* **1**. Ýylylyk zerarly bug çykmak. *Alabahar günüdi, ereýän gar sebäpli ýeriň ýüzi bugjaryp durdy.* **2**. Çalarak derlemek.

**BUGJARYŞ** [bu:ğjoruş], *iş ady.* Bugjarmak ýagdaýy.

**BUGLAMA** [bu:ğlomo], **1**. *iş ady.* Buglamak ýagdaýy. **2**. *at.* Azajyk suw bilen, gapagy ýapylyp, çalarak otda öz buguna bişirilýän etli nahar.

**BUGLAMAK** [bu:ğlomok], *işl.* **1**. Nahary ýapyk gapda öz şiresi, bugy bilen bişirmek. *Palawy buglamak*. **2**. Bir zady buga tutmak, buga tutup täzeden işlemek.

**BUGLAMAKLYK** [bu:ğlomokluk], *iş ady.* Buglamak ýagdaýy.

**BUGLANMAK** [bu:ğlonmok], *işl.* **1**. Öz şiresi, bugy bilen bişirilmek, buguna goýulmak. *Üç gazan tüwi hem buglanyp duran eken* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. Buga tutulmak, buga tutulyp, gaýtadan işlenmek. *Çig ýüpek kelepleri buglanýar.*

**BUGLAŞMAK** [bu:ğloşmok], *işl.* Buga goýmaga kömekleşmek.

**BUGLATMAK** [bu:ğlotmok], *işl.* **1**. Öz şiresi, bugy bilen bişirtmek, buguna goýup bişirtmek. *Palaw buglatmak*. **2**. Buglama işini başga birine etdirmek, buguna tutdurmak, buguna tutduryp täzeden işletmek. *Çig ýüpegi buglatmak.*

**BUGLAÝYŞ** [bu:ğloýuş], *iş ady.* Buglamak ýagdaýy.

**BUGRA** [buğro], *at.* **1**. Iki örküçli erkek düýe, aýry. **2**. Oglana dakylýan at.

**BUGRATIKEN** [buğrotiken], *at, ösüml.d.* Dag eteklerinde we daşly ýerlerde ösýän derman oty.

**BUGURÇY** [buğurçy], *at.* Işde ulanylmaga başlanan üç ýaşar düýe. *Ynha düýeler, erkek bugurçy, torumlar – hemmesi aýry tohum maldyr* (A. Durdyýew).

**BUJAK** [bu:jok], *at.* Göläniň, geçiniň, goýnuň derisinden, hamyndan suwuklyk guýmak üçin edilýän tulumyň, meşigiň, ýanlygyň gollary. *Ol ýanlygyň bujagyny çözüp, toşap aldy.*

◊ **Bujagy çözülen ýanlyga (meşige, tuluma) dönmek** pyssarmak, gowşap, boşap galmak.

**BUJURYK** [bujuruk]**: bujurygy artmak (çykmak**) derdi-azary köpelmek, bulaşmak, beterinden beteri çykmak. – Dursa *bujurygynyň artjagyny* bilip durandyr (A.Gowşudow). *El degirseň, munuň bujurygy artar* (N. Pomma).

**BUKAW** [bukow], *at.* **1**. *zergärç.* Aýallaryň boýunlaryndan asýan gyzyl çaýylyp, kümüşden ýasalan gaşly, şelpeli şaýy. *Gadymy bukaw.* **2**. *göç.m.* Gülden örülen çemen. *Gül bukawy oňa gelişýärdi*.

**BUKDAKLAMA** [bukdoklomo], *iş ady.* Bukdaklamak ýagdaýy.

**BUKDAKLAMAK** [bukdoklomok], *işl.* **1**. Birine görünmejek bolup ýapyrylyp, eglip, bükülip ýöremek. *Ol, depäniň gapdalyndan tazysy bilen bukdaklap gelip, tilkini tazysyna görkezýär* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. Ogryn, bukulyp gezmek, gaçgak bolup gezmek. *Ol bir aý ýarym bukdaklap gezse-de, onçakly rahat däldi* (B. Kerbabaýew).

**BUKDAKLAMAKLYK** [bukdoklomokluk], *iş ady.* Bukdaklamak ýagdaýy.

**BUKDAKLAŞMAK** [bukdokloşmok], *işl.* **1**.Topar bolup bukdaklamak, köp bolup bukulyşyp ýörmek. *Hany, sizem sözüňizde tapylyň — diýer öýdüp, gören ýerlerinde bukdaklaşyp ýörler* (N. Pomma). **2**. Ogryn gezişip ýörmek, gaçgak bolup gezişip ýörmek.

**BUKDURMAK** [bukdurmok], *işl.* Başga birine ýygşyrtmak, gizletmek. *Ol haty il görmez ýaly ýerde bukdurdy.*

**BUKJA** [bukjo], *at.* **1**. Türkmen gelin-gyzlarynyň dört burçly matanyň üç burçy tikilen we bir burçy hem açyk, el işlerini salýan gaby. *Aýaly bir köne bukjany alyp çykdy* (N. Saryhanow). **2**. Durmuşa çykjak gyzyň şaý-sepi, egin-eşigi. **3**. Hat ugratmak üçin ulanylýan ýazgyn kagyz gap. *Sen maňa ýazan hatlaryňy Öweze ýazan hatyň bukjasyna salyp iberäýseň bolmadymy?* (A. Gowşudow).

**BUKMA** [bukmo], *iş ady.* Bukmak ýagdaýy.

**BUKMAK** [bukmok], *işl.* **1**. Başga biri görmez ýa-da tapmaz ýaly ýygnamak, ýygşyrmak, gizlemek. *Şu haty berk ýerde bukup goý.* **2**. Buky ýerde gizlenmek. *Ol agaçdan agaja bukup ýakyn gelip synlady* (A. Gowşudow).

**BUKMAKLYK** [bukmokluk], *iş ady.* Bukmak ýagdaýy.

**BUKULLYM** [bukulluým], *at.* Oýna gatnaşyjylaryň biri eşekçi bolup, beýlekileri ondan bukulyp oýnalýan çaga oýny.

**BUKULMADYKSYRAMAK**, *işl.* Bukulmaly bolsa-da, bukulmazlyk, bukulmadyk bolmak.

**BUKULMAK** [bukulmok], *işl.* Buky ýerde birinden gizlenmek.

**BUKULYŞMAK** [bukuluşmok], *işl.* Köp bolup bukulmak, birtopar bolup bukulmak.

**BUKY**, *at.* **1**. Başga biri görmez ýa-da tapmaz ýaly, gizlin, ýaşyryn ýer. *Buky ýerde sakla, gizle, berk sakla* (B. Kerbabaýew). **2.** Goranmak üçin edilen gizlin ýer. *Kyn bolsa-da, ýoluň iki tarapynda bukuda ýatmak gerek* (B. Seýtäkow).

**BULAGAÝ** [buloğoý], *syp.* Agzalalyk döredýän, başbozar, arabozar, bozgak, bulaw. *Bulagaý adam bahana araýardy*.

**BULAGAÝÇYLYK** [buloğoýçuluk], *at, ser.* **Bulagaýlyk**. *Bulagaýçylykdan gönenen adam tapmarsyň.*

**BULAGAÝLYK** [buloğoýluk], *at.* Başbozarlyk, bozgaklyk, agzalalyk döretmeklik. *Bulagaýlyk etmek.*

**BULAK** [bulok], *at.* Çeşme suwy we onuň akýan akary. *Bakyp görse, bu bagda bilbiller saýrap, bulaklar akyp, güller açylyp duran* ("Türkmen halk ertekileri"). *Gözbaşy bolmasa bulak akmaýar* (A. Kekilow).

**BULAMA** [bulomo], *iş ady.* Bulamak ýagdaýy.

**BULAMAK** [bulomok] **I**, *işl.* **1**. Suwuk ýa-da goýy nahary we ş.m. garmak, garyşdyrmak. **2**. Hapa etmek, hapalamak. *Çagalar ellerini palçyga bulapdyrlar*. **3**. *göç.m.* Agzalalyk döretmek, bulagaýlyk etmek. *Ol nejis, adamlary bulady.* **4**. *ser.* **Bulaýlamak**.

**BULAMAK** [bulomok] **II**, *at.* Ýaga un jazlanyp bişirilýän goýy nahar, ýegesi. *Eý möjek, sen bir suwujak bulamak içip, birnäçe sapar ýapy ýokaryk ylgasaň, içiňdäki bela gaçar* ("Türkmen halk ertekileri").

**BULAMAKLYK** [bulomokluk], *iş ady.* Bulamak ýagdaýy.

**BULAM-BUJAR** [bulom-mujor], *syp.* Ýerbe-ýer bolmadyk, garym-gatym, bulaşyk, tertipsiz. *Şemal gelip, kagyzlary bulam-bujar etdi*.

**BULAM-BUJARLYK** [bulom-mujorluk], *at.* Ýerbe-ýer dällik, garym-gatymlyk, bulaşyklyk, tertipsizlik. *Haýsydyr bir sosial, syýasy ýa-da ykdysady meseläni bir gezekde we hemişelik çözmek synanyşyklary diňe bulam-bujarlyga hem-de durnuksyzlyga getirýär* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr").

**BULAM-DELEM** [bulom-delem]: **bulam-delem etmek 1)** hilini pes derejede etmek, erbet ýerine ýetirmek. **2)** garym-gatym, çalak-çulak edip taýýarlamak.

**BULANÇAK** [bulonçok], *syp., ser.* **Bulanyk**. *Meniň ballym bal goçak, Suwlar akar bulançak, Altmyş başly ak öýüň, Ýaraşygy sallançak* (Hüwdi).

**BULANÇAKLYK** [bulonçokluk], *at.* **1**. *ser.* **Bulanyklyk**. *Suwuň bulançaklygyna syn etdik.* **2**. *göç.m.* Howsalaly ýagdaý, başagaýlyk, birahatlyk. *Onuň ýüregindäki bulançaklyk ýene güýçlendi.* **3**. *göç.m.* Agzalalyk, bulagaýlyk. *Sähelçejik bir bidüzgünligiň bulançaklyk emele getirmegi mümkindi* (B. Kerbabaýew).

**BULANDYRMAK** [bulonnurmok], *işl.* **1**. Suwuklygy bulanyk hala getirmek, bulanyk etmek. *Akar suwy aýlandyran, Dury suwy bulandyran, Gapy-gapy elendiren Seniň gözleriň, gözleriň* (Halk aýdymyndan). **2**. *göç.m.* Agzalalyk döretmek, ara bozmak.

**BULANJYRAMAK** [bulonjuromok], *işl.* Yrsaramak, gep agtarmak, jenjel turuzjak bolmak.

**BULANMAK** [bulonmok], *işl.* **1**. Bulanyk hala öwrülmek, bulanyk bolmak (suwuklyk hakynda). *Biz birneme ýüzenimizden soň, suw bulanyp başlady*. **2**. Guma, hapa garylmak, üst-başyňy gum etmek, hapa etmek. *Onuň akja geýimi, ýalpyldawuk saçy tozana bulandy* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç.m.* Yrsaramak, jenjel turuzmak. **4**. Bir zadyň uç tarapy hereketlenmek. *Onuň bileginden asylgy ýalaňaç pyçagy şol wagt bat alyp bulandy* (A. Gowşudow).

**BULANYK** [bulonuk], *syp.* Dury bolmadyk. *Derýanyň bulanyk suwy*.

**BULANYKLYK** [bulonukluk], *at.* Dury dällik, arassa dällik, bulanyk ýagdaýda bolmaklyk. *Suwuň bulanyklygy*.

**BULAŞDYRMAK** [buloşdurmok], *işl.* **1**. Hapa bulap çykmak, hapa çyrşaşdyrmak. *Aýakgabyny palçyga bulaşdyrdy*. **2**. Bulam-bujar edişdirmek, garym-gatym edişdirmek. *Bulaşdyran sakgalyny emaý bilen darady*. **3**. Yzly-yzyna bulap garyşdyrmak. *Gazany agaç çemçe bilen bulaşdyrdy.* **4**. Bir zadyň başga bir zatdan tapawudyny, parhyny anyklaman garyşdyrmak. *Käte men gök bilen ýaşyly bulaşdyraýýan*. **5**. *göç.m.* Agzalalyk, bulagaýlyk döretmek. *Munuň ýaly halky bulaşdyrýan melgunyň köküni köwlemek gerek* (A. Durdyýew).

**BULAŞMA** [buloşmo], *iş ady.* Bulaşmak ýagdaýy.

**BULAŞMAK** [buloşmok], *işl.* **1**. Çyrşalmak. *Toýuň toýa ulaşsyn, Eliň ýaga bulaşsyn* (Arzuw-dileg). **2**. Hapa degmek, hapalanmak. *Çaganyň üsti-başy guma bulaşypdyr.* **3**. Bulam-bujar bolmak, garym-gatym bolmak. *Onuň nogta ýaly gara saçlary bulaşypdy.* **4**. Ýalňyşlyga, şowsuzlyga sezewar bolmak. *Eger ol basym gelmese, işleriň bulaşmagy mümkin.* **5**. Dumanlap durmak (göz hakynda). **6**. Asuda ýagdaýda bolmazlyk. üýtgäp durmak, dürli hili öwüsmek, erbetleşmek. *Bu ýönekeý bir ýel dälde, howanyň bulaşmagynyň alamaty* (B. Kerbabaýew). **7**. *göç.m.* Agzalalyk döremek, närazylyk ýüze çykmak, aragatnaşyk, dostluk bozulmak. *Bularyň arasy bütinleý bulaşdy*. **8**. *göç.m.* Düşnüksiz bolmak, düşünmesi kyn bolmak. *Bu sapar ýagdaý şeýle bulaşypdy.*

**BULAŞYK** [buloşuk], syp **1**. Bulam-bujar bolup duran, çalam-çaş, tertipsiz görnüşli. *Jaýyň içi bulaşykdy*. **2**. Asuda ýagdaýda bolmadyk, üýtgäp duran

(howa hakynda). **3**. Düşnüksiz, düşünmesi kyn bolan. *Onuň çalajan bulaşyk sesinden many alyp bolmady.* **4**. Çözülmesi kyn bolan, çylşyrymly. *Gurban bulaşyk pikirleriň aňyrsyna çykyp bilmeýärdi*.

**BULAŞYKLYK** [buloşukluk], *at.* **1**. Bulam-bujarlyk, çalam-çaşlyk, tertipsiz görnüşlilik. **2**. Ýalňyşlyk, şowsuzlyk, bulam-bujarlyk. *Öň-ä bir hili bulaşyklyga düşüp, hernäme-de bolsa soňuny düzetdi.* **3**. Biynjalyk, ünjülilik, aladalylyk. *Ol Berdiniň ýüzündäki bulaşyklygy özüçe ýordy.* **4**. Asuda ýagdaýda däl, üýtgäp duranlyk. *Howanyň bulaşyklygy köp zyýan berýär.* **5**. Düşnüksizlik, düşünmesi kynlyk, aýdyň dällik, çylşyrymlylyk.

**BULAŞYŞ** [buloşuş], *iş ady.* Bulaşmak ýagdaýy.

**BULATMAK** [bulotmok], *işl.* **1**. Bir zady başga birine gardyrmak, garyşdyrmak. **2**. Hapalatmak, hapa ýokdurtmak. *Geýimini palçyga bulatdy.* **3**. *göç.m.* Agzalalyk döretdirmek, bulagaýlyk döretdirmek. **4**. *ser.* **Bulaýlatmak**. *Ejem Jereni jigisine el buladyp, ýanyna çagyrtdy.*

**BULAW** [bulow], *syp.*, *gepl.d.* Köplenç, köpçüligiň içinde yrsarap, adamlary birahat edip ýören. *Bulaw adam.*

**BULAWLYK** [bulowluk], *at, gepl.d.* Köplenç, köpçüligiň içinde yrsarap, adamlary birahat edip ýörmeklik, bulaw häsiýetlilik. *Bulawlyk ýaramaz gylykdyr.*

**BULAÝLAMA** [buloýlomo], *iş ady.* Bulaýlamak ýagdaýy.

**BULAÝLAMAK** [buloýlomok], *işl.* Bir zady howada galgatmak, köp gezek ikibaka bulamak. *Ol yzyna öwrüldi-de, maňa elini bulaýlady* ("Edebiýat we sungat").

**BULAÝLAMAKLYK** [buloýlomokluk], *iş ady.* Bulaýlamak işi.

**BULAÝLATMAK** [buloýlotmok], *işl.* Bir zady howada galgatdyrmak, iki ýana hereket etdirmek. *Ýaglygy bulaýlatmak. Ol ýoldaşyna elindäki baýdajygy bulaýlatdy.*

**BULAÝLAÝYŞ** [buloýloýuş], *iş ady.* Bulaýlamak ýagdaýy.

**BULAÝYŞ** [buloýuş], *iş ady.* Bulamak ýagdaýy.

**BULDUR-BULDUR** [bullur-vullur], *s. ş. aňl. söz.* Bir topar zat buldur-buldur edende, bulduraşyp duranda emele gelýän şekil. *Gelinbarmak üzümler buldur-buldur edýärdi.*

**BULDURAMA** [bulluromo], *iş ady.* Bulduramak ýagdaýy.

**BULDURAMAK** [bulluromok], *işl.* Nemli öwüşgin atmak. *Dursun bulduraýan gözlerini töwerege aýlady. Bulduraýan gelinbarmagymyz barada gürrüň edip berdim* ("Edebiýat we sungat").

**BULDURAMAKLYK** [bulluromokluk], *iş ady.* Bulduramak ýagdaýy.

**BULDURAŞMAK** [bulluroşmok], *işl.* Ýyldyraşyp öwüşgin atmak, ýyldyraşmak. *Üzüm hoşalary bulduraşyp, biri-birine çakyşýar*.

**BULDURAÝYŞ** [bulluroýuş], *iş ady.* Bulduramak ýagdaýy.

**BULDURÇYN** [bullurçun], *at.* Garyň, gyrawyň ýyldyraýan görnüşi. *Aýyň ýagtysyna doň garyň ýüzünde buldurçynlar ýyldyraşýar*.

**BULDURDY** [bullurdy], *at.* Suw we suwuklyklaryň, şeýle hem ýaldyrawuk zatlaryň ýüzünde döreýän öwüşgin.

**BULGUR** [bulğur], *at.* **1**. Suwuklyk guýlup içilýän çüýşe gap. *Telperje bulgurlara çaý guýlaryna mähetdel, oturanlaryň biri noguldan birini agzyna atdy* ("Türkmenistan"). **2**. *gepl.d.* Çyra çüýşesi.

**BULJUM**, *syp.* Buky, gizlin buky. *Nejep ýene ardynjyran bolup, bir buljum ýere bakan ugrady* ("Nejep oglan"). *"Ýurdy belet çapar" diýen ýaly, öz ýurduna dönükçilik edip daga çykanlar, ileri hanlarynyň buýrugy bilen yzyna özi ýaly elli atly, ýüz atly garakçylary tirkäp gelýärdiler, buljum jarlarda, böwserlerde, ýykyk harabalarda bukulyp, ýol saklaýardylar, iki-ýeke gije ýolagçylaryny tutup, "olja" diýip alyp gidýärdiler* (A.Gowşudow).

**BULJUMRAK** [buljumura:k], *syp.* Bukurak, gizlinräk. *Eliňdäkileri bir buljumrak ýerde goýaý.*

**BULJURA** [buljuro], *at.* Guýynyň agzynyň zaýalanmazlygy üçin agaçdan ýa-da daşdan edilýän tegelek halka görnüşli berkitme; guýynyň ýerden ýokarky daş örülip, germew edilen bölegi. *Birpaýyz durandan soň örme guýynyň ýanyna bardy. Guýynyň buljurasyny, onuň üstündäki gapagy ysgady* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Döwlet guşy").

**BULJURALY** [buljuroly], *syp.* Buljura edilen (guýynyň agzy hakynda). *Bu jaýlar bilen mekdebiň aralygynda buljuraly örme guýy görünýär* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Döwlet guşy").

**BULUÇ**, *at, ser.* **Buluçlar**.

**BULUÇLAR** [buluşlor], *at.* Owganystanda, Pakistanda we Türkmenistanyň günorta-gündogar etraplarynda ýaşaýan, eýran dilleri toparyna degişli halk.

**BULUJY**, *syp., maldarç.* Goýunlaryň tohumynyň bir görnüşi, buluç goýny. *Bulujy goýun.*

**BULUT**, *at.* Ýerden seredeniňde garamtyl ýa-da agymtyl reňkli bolup görünýän, belli bir belentlikde toplanýan asmandaky suw buglary. *Bulutdan çykan gün ýakar, ýaşmakdan çykan dil* (Nakyl). *Belent daglaryň başynda, Bulut oýnar sil biläni* (Magtymguly). *Bir bölejik bulut gelýär ýagmaga, Ýagma, bulut, näzli ýaryň üstüne!* (Saýyly).

**BULUTLAŞMA** [bulutloşmo], *iş ady.* Bulutlaşmak ýagdaýy.

**BULUTLAŞMAK** [bulutloşmok], *işl.* Bulut bilen örtülmek, bulut basyp, howanyň ýüzi garalmak. *Ýazyň ilki aýlarynda howa sagatsaýyn üýtgeýärdi, birden bulutlaşyp, şemal turýardy* (B. Kerbabaýew).

**BULUTLAŞMAKLYK** [bulutloşmokluk], *iş ady.* Bulutlaşmak ýagdaýy.

**BULUTLY**, *syp.* Bulut aralaşmak zerarly garalyp duran. *Dagda ýagyşly-ýagmyrly, bulutly gün kän bolýar.*

**BULUTLYLYK** [bulutluluk], *at.* Bulut bilen örtülenlik, bulut bilen gurşalanlyk.

**BULUTLYRAK** [bulutlura:k], *syp.* Az-kem bulutly. *Şu gün bulutlyrak howa bolsa gerek.*

**BULUTSYZ** [bulussuz], *syp.* Bulut bilen örtülmedik, açyk. *Asmanyň ýüzi açykdy, bulutsyzdy.*

◊ **Bulutsyz günde gar ýagmak** duýdansyzlykda şowsuzlyga uçramak.

**BULUTSYZLYK** [bulussuzluk], *at.* Bulut bilen örtülmezlik, açyklyk. *Howanyň bulutsyzlygy, açyklygy şähtiňi açýardy.*

**BURAW** [burow], *at.* **1**. Towlanyp, tegelek deşik deşýän burmaly gural. *Buraw bilen deşik deşmek.* **2**. Ýer astyndan gaz, nebit, suw çykarmak, almak üçin belli bir ýerde gurnalýan senagat desgasy. *Gum depeleriniň arasyndan görünýän burawlara tarap ýola düşdük.*

**BURAWÇY** [burowçy], *at, ser.* **Burawlaýjy**. *Häzir Aýgülüň ünsüni özüne çeken buraw däl-de, Nurjanyň düşünişine görä, burawçylardan biri bolara çemeli* (B. Kerbabaýew).

**BURAWLAMA** [burowlomo], *iş ady.* Burawlamak ýagdaýy.

**BURAWLAMAK** [burowlomok], *işl.* **1**. Buraw bilen deşmek. **2**. Buraw desgasy arkaly nebit, gaz, suw guýularyny gazmak.

**BURAWLANMAK** [burowlonmok], *işl.* **1**. Buraw bilen deşilmek. **2**. Buraw bilen gazylmak. *Bellenilen çuňlukdan artyk burawlanmak.*

**BURAWLAŞMAK** [burowloşmok], *işl.* **1**. Buraw bilen deşişmek. **2**. Buraw bilen gazyşmak.

**BURAWLATDYRMAK** [burowlotdurmok], *işl.* **1**. Buraw bilen deşdirtmek. **2**. Buraw bilen gazdyrtmak.

**BURAWLATMAK** [burowlotmok], *işl.* **1**. Buraw bilen deşdirmek. **2**. Buraw bilen gazdyrmak.

**BURAWLAÝJY** [burowloýjy], *at.* Çuňlugy burawlamak wezipesini ýerine ýetiriji işçi. *Kärhananyň burawlaýjylary has çuň gatlaklara aralaşmagyň, täze meýdançalary özleşdirmegiň hasabyna "gara altyn" we "mawy ýangyç" çykarmagyň ýylba-ýyl artmagyna goşant goşýarlar* ("Türkmenistan").

**BURAWLAÝYŞ** [burowloýuş], *iş ady.* Burawlamak ýagdaýy. *Burawlaýyşda has çuňdaky täze gatlaklara hüjüm edilip başlanmagy baýry nebit känlerine-de täze ömür berýär* ("Türkmenistan").

**BURÇ I**, *at.* **1**. Diwaryň we ş.m. ýasy, tekiz zatlaryň daşky we içki birleşýän ýeri, künji, çüňki. **2**. *mat.* Bir nokatda birigen iki çyzygyň aralygy. *Göni burç.*

**BURÇ II**, *at, ösüml.d.* **1**. Günorta ýurtlarda gögerýän ösümlik we onuň owradylyp nahara goşulýan ajy däneleri. *Gara burç. Gara burçuň dänelerini üwemek.* **2**. Dik ýaýrap ösýän ýaprakly ösümlik we onuň içi tohumlyk däneli ajy ýa-da ajy bolmadyk tagamly süýnmek hasyly. *Gyzyl burç. Bolgar burçy.*

**BURÇA** [burço], *at, ösüml.d.* Owadan mawy gülli, dik ösýän, kösügi iýilýän meýdan oty. *Obanyň oglandyr gyzlary selmedir burça, ýuwadyr ýelmik ýygyp, kömelekdir domalan gözlärdiler* ("Edebiýat we sungat").

**BURÇAK-BURÇAK** [burçok-burçok], *syp.* Damja-damja, düwme-düwme (der hakynda). *Şuny aýratyn bek belle: daýhanyň bagty ýerdedir, ýeriň bagty bolsa tylla topraga bütin yhlasyny berip, maňlaýyndan dökülýän burçak-burçak derlerini oňa siňdirýän jepakeş daýhanlardadyr* ("Türkmenistan").

**BURÇAKLAMAK** [burçoklomok], *işl.* Burçak-burçak bolmak. *Onuň maňlaýyny kertip duran börüginiň aşagyndan burçaklap galan derler biri-birine tapyşdy* (B. Kerbabaýew).

**BURÇALYK** [burçoluk], *at, ösüml.d.* Baldaklary ýaşajyk soganyň ýaşyna meňzeş, köki çigildemiňki ýaly alaňda bitýän haşal ot.

**BURÇLAMAK** [buruşlomok], *işl.* Burç atmak. *Sowuklasaň, unaşy burçlap içmeli.*

**BURDURMAK** [burdurmok], *işl.* Burmak işini başga birine etdirmek.

**BURGULAMA** [burğulomo], *iş ady.* Burgulamak ýagdaýy.

**BURGULAMAK** [burğulomok], *işl.* **1**. Burup, burgy salyp tow bermek. *Daşyna oralan simi burgulap berkitdiler.* **2**. *gepl.d.* Burup çümmüklemek, biriniň endamyndan burmak, gaty çümmüklemek. *Meniň budumdan bir däl, iki däl burgulady* (N. Pomma).

**BURGULAMAKLYK** [burğulomokluk], *iş ady.* Burgulamak ýagdaýy.

**BURGY I**, *at.* **1**. Gaty we berk towlanyp alynýan çümmük. **2**. Ýüp işmek, tow bermek üçin ulanylýan gural.

**BURGY II**, *at.* Aýal çaga dogurjak bolanda, içinden tutýan güýçli agyry.

**BURJULAMA** [burjulomo], *iş ady.* Burjulamak ýagdaýy.

**BURJULAMAK** [burjulomok] **I**, *işl.* Burjy baglamak. *Agaçlar burjulap, suwlar doňupdy* (Ç. Aşyr).

**BURJULAMAK** [burjulomok] **II**, *işl.* Guzlamagyň, botlamagyň öň ýanynda döreýän ynjalyksyzlyk sebäpli gizlin ýer agtarmak (düýe we ş.m. haýwanlar hakynda).

**BURJULAMAKLYK** [burjulomokluk], *iş ady.* Burjulamak ýagdaýy.

**BURJULAÝYŞ** [burjuloýuş], *iş ady.* Burjulamak ýagdaýy.

**BURJUMY**, *at, dokm.* Tara daragyny berkitmek üçin daşyna saralýan hamyrly esgi.

**BURJY I**, *at.* Gyşyň sowuk aýlarynda agaçlaryň, ösümlikleriň üstünde emele gelýän gar görnüşli buz. *Köçäniň boýdan-başa iki ýan tarapyna ekilen agaçlar burjy baglap, şahalaryny aşak egip otyrlar*.

**BURJY II**, *at.* Käbir mallar, haýwanlar botlajak, guzlajak bolanda tutýan agyry. *Burjusy tutmak.*

**BURK**, *at, kön.s.* Ys.

◊ **Burk urmak** örän ýakymly, hoşboý ys döremek. *Ösümlikleriň burk urýan ysy jana ýakymlydy.*

**BURKMAK** [burukmok], *işl. gepl.d.* Beden agzasynyň bogny ýazmak, ýerinden gozganmak, çykmak.

**BURMA** [burmo] **I**, *at.* Towlanýan, burulýan zat. *Radionyň burmasy.*

◊ **Burma çüý** hyrly, burmaly çüý. *Ol ýelimlenen mermerler burma çüý bilen berkidilenden-de berk durýarlar.*

**BURMA** [burmo] **II**, *at.* **1**. *ser.* **Buýra**. *Çözülmesin gara saçyň burmasy, Kän aglama, gider gözüň sürmesi* (Halk aýdymyndan). *Sen bu hüwjerip duran gara burma saçlaryň bilen meniň sözüme kän bir ynanmarsyň* (G. Gurbansähedow). **2**. *zergärç.* Ýaş çaganyň goşaryna ýa-da aýagyna dakylýan, burlup ýasalýan halka görnüşli kümüş şaý. **3**. *gepl.d.* Adamyň kellesiniň depesindäki towluja ýer.

**BURMA** [burmo] **III**, *iş ady.* Burmak ýagdaýy.

**BURMAK** [burmok], *işl.* **1**. Bir tarapa öwürmek, sowmak. *Atynyň başyny günbatara burdy*. **2**. Bir tarapa towlamak, towlap berkitmek, çekmek. *Ol dutaryň gulagyny ýene-de burup goýberdi*. **3**. Towlap çümmüklemek. *Çaganyň budundan burdy*.

**BURMAKLYK** [burmokluk], *iş ady.* Burmak ýagdaýy.

**BURMALANMAK** [burmolonmok], *işl.* Burum-burum bolmak, burma emele gelmek. *Burmalanmyş ýar zülpüniň telleri, Oňa baglanaýjak gül gerek maňa* (Garajaoglan). *Surat ýaly gaşlary çalaja burmalanypdy* (B. Seýtäkow).

**BURMATOW** [burmotow], *at, dokm.* Haly we haly önümleriniň, keçäniň, gaýma we keşde bilen edilýän bejergileriň gyrasyna salynýan nagyş.

**BURRAM** [burrom], *at, gepl.d.* Suwuň aýlanyş, güýçli akýan ýerinde emele gelýän çukurjyklar, girdapjagaz.

**BURUGSAMA** [buruğsomo], *iş ady.* Burugsamak ýagdaýy.

**BURUGSAMAK** [buruğsomok], *işl.* **1**. Tutaşman tüsseläp durmak, burum-burum tüsse çykmak, tüsselemek. *Tüsse burugsap çykýardy*. **2**. Ýiti ys gelmek.

**BURUGSAMAKLYK** [buruğsomokluk], *iş ady.* Burugsamak ýagdaýy.

**BURUGSAŞMAK** [buruğsoşmok], *işl.* **1**. Burugsap durmak, tüsseläp durmak (birnäçe ýerde). **2**. Bir zatdan ýiti, ýakymsyz ys çykmak.

**BURUGSATMAK** [buruğsotmok], *işl.* **1**. Tüsseletmek, tüsse çykarmak. **2**. Ýiti ys ýaýratmak.

**BURUGSAÝYŞ** [buruğsoýuş], *iş ady.* Burugsamak ýagdaýy.

**BURUGSY** [buruğsy], *at.* **1**. Burugsap çykýan tüsse. *Oduň tüweleýleýän burugsysy.* **2**. Bir zatdan çykýan ýiti ys, gelýän kok, goňursy. *Ýanan ýagyň burugsysy.*

**BURULJYRAMAK** [buruljuromok], *işl.* **1**. Agyry, näsaglyk zerarly bükülmek, egreljiremek. *Ýüzüni çytyp, buruljyrap, meniň aýagyma ýapyşyp ýerinden turdy* (N. Pomma). **2**. Göwünli-göwünsiz bolmak. *Buruljurap buýrulan işi edesi gelmedi.*

**BURULJYRAŞMAK** [buruljuroşmok], *işl.* Birtopar bolup buruljyramak. *Syrkawlar buruljyraşyp ýatyrlar.*

**BURULMAK** [burulmok], *işl.* **1**. Bir tarapa öwrülmek, sowulmak. *Araba köçe bilen saga buruldy.* **2**. Bir tarapa towlanyp, towy berkidilmek, tow berilmek. **3**. Bir tarapa towlanmak, aýlanmak. *Inçe simlerden burlup işilen ýogyn sim.* **4**. Ejizlemek, halyň peselmek, ýagdaýyň agyrlaşmak. *Ejizläp, burlup, başyny ýassyga goýdy.* **5**. *göç.m.* Towlanyp çümmüklenmek. **6.** Öýkelemek.

**BURUM**, *at.* Burlan towlam, towlamyň bir aýlawy; buýra.

**BURUM-BURUM** [burum-murum], *syp.* Birnäçe burumdan, towdan ybarat bolan, towlam-towlam, buýra-buýra. *Möwlam burum-burum saçlaryny barmagy bilen daraklady.*

**BURUN I**, *at.* **1**. Adamyň ýüzünde, haýwanyň tumşugynda ýerleşen dem alyş we ys duýuş agzasy. **2**. Bir esbabyň, enjamyň, guralyň we ş.m. zatlaryň öň tarapy, ujy. *Onuň bir böwründe burny döwük köne sandal ýatyrdy.* **3**. *geog.* Gury ýeriň uly suwa süsňäp gidýän ýeri. *Ilerki burundan bir gaýyk dolandy.*

◊ **Burnuna ýel düşmek** tumşugyny ýokary tutup, ümdüzine gitmek. *Ol hili wagtlarda ol burnuna ýel düşen haýwan ýaly tumşugyny dik ýokaryk tutup, gözi ýer görmeýär, öňünden çykan zady basalaýar* (H. Ysmaýylow). **Burnundan çöp ötürmek** diýeniňi etdirmek, aýdanyňdan çykmaz ýaly etmek, lepbeý diýip durar ýaly etmek. *Birden Doýduk ýalyň biri Japbagyň burnundan çöp ötürip, biziň agzymyzy alardaýmasyn* (B. Kerbabaýew). **Burnundan getirmek** iýen-içenini janyna siňmez ýaly etmek, azar ýamanyny bermek, horlamak. **Burnundan ikli gan getirmek** azar ýamanyny bermek, horlamak. **Burnuny syksaň, jany çykjak** örän hor, arryk. **Burnuňy asmana (göge, ýokary) tutmak**

ulumsylyk, tekepbirlik etmek. **Burnuňy görkezmek** bir ýere az salymlyk barmak, görnüp gaýtmak. **Burnuňy sokmak 1)** goşulmasyz işe, meselä goşulmak. **2)** görünmesiz ýerde görünmek, barmasyz ýere barmak. **Burnuňy uzatmak** bir zatdan hantama bolup ymtylmak. **Burny deşilen ýaly** örän ýuwaş. *Bir-iki aýlap burny deşilen ýaly bolup gezdi* (B. Seýtäkow).

**BURUN II**, **1**. *hal, kön.s.* Ozal, öň, ilki, öňürti. *Saglygyň gadryny bilgil, Hassa bolmazdan burun* (Magtymguly). *Söhbet et rakyplar duýmazdan burun, Başyňa döneýin jana, Garybym* (Halk aýdymyndan). **2**. Oglana dakylýan at.

**BURUNBAG** [burunma:ğ], *at.* Üzügiň her çetine berkidilýän inçeräk işilen ýüp.

**BURUNDAMAK** [burunnamak], *at, anat.* Burun boşlugynyň yzynda ýerleşýän, damagyň ýokarky bölümi.

**BURUNHALKA** [burunhalka], *at, zergärç., ser.* **Arabek**.

**BURUNLAK** [burunlok], *syp.* Uzyn hem uly, ýogyn burunly. *Ýigit hem burunlak, hem erinlek gerek* (Nakyl).

**BURUNLYK** [burunluk], *at.* **1**. Düýäniň büýlüsine ýa-da onuň ujundaky çetnige daňlyp idilýän ýüp. *Burunlygyndan batly dartylýan düýäniň boýny öňküsindenem sozulyp uzaldy.* **2**. *gepl.d.* Düýe.

**BURUNLYKLAMA** [burunluklomo], *iş ady.* Burunlyklamak ýagdaýy.

**BURUNLYKLAMAK** [burunluklomok], *işl.* **1**. Düýäniň burnuny deşip, büýlüsine burunlyk ýüpüni daňmak, baglamak. *Men senden has ulurak düýäni hem burunlyklap idýän ahyry* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Biriniň erk-ygtyýaryny almak, boýun etmek.

**BURUNLYKLAMAKLYK** [burunluklomokluk], *iş ady.* Burunlyklamak ýagdaýy.

**BURUNLYKLANMAK** [burunluklonmok], *işl.* Burunlyklanana dönmek, erk-ygtyýaryňy gidermek, boýun bolmak.

**BURUNLYKLAŞMAK** [burunlukloşmok], *işl.* Düýäniň burnuny deşişip, büýlüsine burunlyk daňyşmak, burunlyk daňmaga kömekleşmek.

**BURUNLYKLATMAK** [burunluklotmok], *işl.* Burunlyklamak işini başga birine etdirmek.

**BURUNLYKLAÝYŞ** [burunlukloýuş], *iş ady.* Burunlyklamak ýagdaýy.

**BURUNSA** [burunso], *at.* Düýebaşlygyň düýäniň burnunyň üstünde durýan we owsara birigýän bölegi.

**BURUŞ**, *iş ady.* Burmak ýagdaýy.

**BURUŞDYRMAK** [buruşdurmok], *işl.* Bir zady bir tarapa towlaşdyrmak, ýeke-ýekeden burup çykmak.

**BURUŞMAK** [buruşmok], *işl.* Bir zady bir tarapa towlamaga kömekleşmek.

**BURÝAT** [burýa:t], *at, ser.* **Burýatlar**.

**BURÝATLAR** [burýa:tlar], *at.* Burýadystanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**BUSDURMAK** [bussurmok], *işl.* Üstüni basyrtmak, gizletmek, ýatyrtmak. *Çagalarynyň ýaramaz gylyklaryny busdurdy*.

**BUSDUR-ÝASDYR** [bussur-ýassyr]: **busdur-ýasdyr etmek** bassyr-bussur etmek, gizlemek, ýaşyrmak.

**BUSMA** [busmo], *iş ady.* Busmak ýagdaýy.

**BUSMAK** [busmok], *işl.* **1**. Gizlenmek, ýygrylyp oturmak, bukulmak. *Ol gamyşlaryň arasynda busup ýatan sülgünleri görjek bolup, gözüni ýiti-ýiti gezdirýärdi* (A. Durdyýew). **2**. Ýere ýapyrylmak, ýere bagryňy bermek. *Guşlar görünmejek bolup busup ýatyrdylar.*

**BUSMAKLYK** [busmokluk], *iş ady.* Busmak ýagdaýy.

**BUSULMAK** [busulmok], *işl.* Görünmejek bolmak, gizlenmek, bukulmak. *Sülgün baryp bir petdäniň aşagynda busuldy.*

**BUŞLAMA** [bu:şlomo], *iş ady.* Buşlamak ýagdaýy. *Aýsoltan şatlygyny kimedir buşlamaga gyssanýar* (B.Kerbabaýew).

**BUŞLAMAK** [bu:şlomok], *işl.* **1**. Şatlykly habary ilkinji bolup ýetirmek, habar bermek; söýünjilemek. **2**. *göç.m.* Şugullamak.

**BUŞLAMAKLYK** [bu:şlomokluk], *iş ady.* Buşlamak işi.

**BUŞLANMAK** [bu:şlonmok], *işl.* Şatlykly habar bilen ilkinji bolup gutlanmak ýa-da ol hakda habardar edilmek, söýünjilenmek.

**BUŞLATMAK** [buşlo:tmok], *işl.* Birini şatlykly habar bilen habardar etdirtmek.

**BUŞLAÝYŞ** [bu:şloýuş], *iş ady.* Buşlamak ýagdaýy.

**BUŞLUK** [bu:şluk], *at.* **1**. Şatlykly habar berlende ilki bilen aýdylýan söz. *Buşluk, ene, jigim boldy.* **2**. Buşlukça berilýän gutluk, söýünji. **3**. Çaga dogmazynyň öň ýanyndan gelýän suwly barda.

**BUŞLUKÇY** [bu:şlukçy], *at.* **1**. Buşlaýan adam. **2**. *göç.m.* Begençli habar, nyşan, alamat. *Joşgunly dag silleri-de, mylaýym ýagyşlar-da ýaz paslynyň buşlukçysy ýaly, al-elwan türkmen sährasyna görlüp-eşidilmedik gözellik çaýýar* ("Türkmenistan").

**BUŞUKMA** [bu:şukmo], *iş ady.* Buşukmak ýagdaýy.

**BUŞUKMAK** [bu:şukmok], *işl.* Peşew etmek.

**BUŞUKMAKLYK** [bu:şukmokluk], *iş ady.* Buşukmak ýagdaýy.

**BUT**, *at.* Butparazlaryň çokunýan şekilleri. *Butparazlar butdan alsa myradyn, Hajatyny hakdan dilän almazmy?!* (Magtymguly).

**BUT** [bu:t], *at.* Aýagyň dyz bilen çatalba aralygyndaky bölegi. *Maňlaýy sakar al atyň art butlary çykyn-çykyn bolup durdy* (B. Kerbabaýew).

**BUTHANA** [butha:na], *at.* **1**. Buta çokunylýan jaý, ýer. **2**. Ybadathana.

**BUTLAK** [bu:tlok], *syp.* Budy uly, ýogyn butly.

**BUTNAMA** [butnomo], *iş ady.* Butnamak ýagdaýy.

**BUTNAMAK** [butnomok], *işl.* Duran ýeriňden gozganmak, ýöremek, gymyldamak, süýşmek, deprenmek.

**BUTNAMAKLYK** [butnomokluk], *iş ady.* Butnamak ýagdaýy.

**BUTNATMAK** [butnotmok], *işl.* Duran ýerinden gozgamak, gymyldatmak. *Ol ony duran ýerinden butnadyp hem bilmedi* (B. Kerbabaýew).

**BUTNAÝYŞ** [butnoýuş], *iş ady.* Butnamak ýagdaýy.

**BUTPARAZ**, *at.* Buta uýýan.

**BUTPARAZLYK**, *at.* Buta uýujylyk.

**BUW**, *üml.* Bir zadyň san taýdan köpdügine, möçber taýdan ululygyna haýran galynyp aýdylýar.

**BUÝAN**. *at.* Kösükliler maşgalasyna degişli bolup, köki derman üçin peýdalanylýan köpýyllyk pürli ösümlik. *Türkmenistanda buýanyň ajy hem süýji tagamlysy duş gelýär* (*ser.* **Ajybuýan**).

**BUÝANLYK** [buýonluk], *at.* Buýanyň köp ösüp oturan ýeri.

**BUÝDURMAK** [buýdurmok], *işl.* Buýmaga mejbur etmek, buýmagyna sebäp bolmak. *Möjege iýdiräýme, Ýagyşa buýduraýma* (K. Taňrygulyýew).

**BUÝMA** [buýmo], *iş ady.* Buýmak ýagdaýy.

**BUÝMAK** [buýmok], *işl.* Güýçli ýagşyň, garyň aşagynda galyp, ezilmek netijesinde gaty üşemek.

**BUÝMAKLYK** [buýmokluk], *iş ady.* Buýmak ýagdaýy.

**BUÝNUZ**, *at.* **1**. *kön.s.* Şah. *Goça buýnuz ýük däldir* (Nakyl). **2**. Düzümi şahyň düzümine meňzeş zatlar (köplenç, toýnak). **3**. *sazç.* Dutaryň kädisiniň düýp tarapynda kirişleri ildirmek üçin ýasalan ilgençek. **4**. *dokm.* Palasa, keçä salynýan şaha meňzeş nagyş. **5**. Atanak güllüler maşgalasyna degişli birýyllyk otjumak ösümlük. **6**. *lukmanç.* Gözüň togalak agy.

**BUÝNUZY,** *at, dokm., ser.* **Buýnuz 4**.

**BUÝRA** [buýro], *syp.* Burum tutan, burum-burum. *Bu adam gara göz, gara gaş, buýra gara saçly syratly daýaw ýigitdi* (A. Gowşudow).

**BUÝRA-BUÝRA** [buýro-vuýro], *syp.* Burum-burum bolup duran. *Başyndaky buýra-buýra gara telpegini çykardy* ("Edebiýat we sungat").

**BUÝRALAMA** [buýrolomo], *iş ady.* Buýralamak ýagdaýy.

**BUÝRALAMAK** [buýrolomok], *işl.* Buýra-buýra edip goýmak, burum-burum etmek.

**BUÝRALAMAKLYK** [buýrolomokluk], *iş ady.* Buýralamak ýagdaýy.

**BUÝRALANMAK** [buýrolonmok], *işl.* Buýra-buýra bolmak, tow alyp durmak. *Garagözelek gyzyň özi bolsa buýralanyp duran lowurdawuk gyzyl mahmaldan köýnek geýipdir* (N. Pomma).

**BUÝRALATDYRMAK** [buýrolotdurmok], *işl.* Buýra-buýra etdirtmek, burum-burum etdirtmek.

**BUÝRALATMAK** [buýrolotmok], *işl.* Buýra-buýra etdirmek, burum-burum etdirmek.

**BUÝRALAÝYŞ** [buýroloýyş], *iş ady.* Buýralamak ýagdaýy.

**BUÝRUJY**, *at.* Iş buýurýan, tabşyrýan; sargyt edýän (edara, adam we ş.m.).

**BUÝRUK**, *at.* **1**. Bir işi ýerine ýetirmek üçin tabşyryk, görkezme. **2**. Bir işiň ýerine ýetirilmegi barada edilýän teklip, tabşyryk. *Ol buýruk berdi.*

**BUÝRUKÇY**, *at.* Buýruk beriji, buýruk çykaryjy.

**BUÝRULMAK** [buýrulmok], *işl.* Birine bir iş, ýumuş tabşyrmak. *Utanmaz adam dek süýrenip ýörme, Buýrulmagan işni ediji bolma* (Magtymguly).

◊ **Buýrulyp ýasalan ýaly** örän owadan, gelşikli, nepis.

**BUÝSANÇ** [buýsonç], *at.* Bir zada bolan guwanç, begenç, şatlyk duýgusy.

**BUÝSANÇLY** [buýsonuşly], *syp.* Buýsanja eýe, buýsanjy bolan.

**BUÝSANÇLYK** [buýsonuşluk], *at, ser.* **Buýsanjaňlyk**. *Buýsançlyk bilen aýtmak.*

**BUÝSANDYRMAK** [buýsonnurmok], *işl.* **1**. Guwandyrmak, begendirmek. *Ýaşlaryň edermenligi buýsandyrýar.* **2**. Bir zada arkalandyrmak, baýryndyrmak.

**BUÝSANJAŇ** [buýsonjoň], *syp.* **1**. Buýsanýan, buýsanagan. **2**. Ulumsy, gopbamsy, gopbam. *Onuň buýsanjaň häsiýetine joralary beletdi.*

**BUÝSANJAŇLYK** [buýsonjoňluk], *at.* **1**. Buýsanaganlyk. *Gelin buýsanjaňlyk bilen ýöräp barýardy.* **2**. Ulumsylyk, gopbamsylyk, gopbamlyk.

**BUÝSANMA** [buýsonmo], *iş ady.* Buýsanmak ýagdaýy.

**BUÝSANMAK** [buýsonmok], *işl.* **1**. Bir zada begenmek, guwanmak. **2**. Bir zada daýanmak, birine ýa-da bir zada arkalanmak, batyrynmak. *Tereň derýa, haýbatyňa buýsanma* (Magtymguly).

**BUÝSANMAKLYK** [buýsonmokluk], *iş ady.* Buýsanmak ýagdaýy.

**BUÝSANYŞ** [buýsonuş], *iş ady.* Buýsanmak ýagdaýy.

**BUÝTAR-SUÝTAR** [buýtor-suýtor]**: buýtar-suýtar etmek** sypjyklyk etmek, bahana aramak.

**BUÝURMA** [buýurmo] **1**, *iş ady.* Buýurmak ýagdaýy. **2**. Bir zady ýasatmak, bejertmek, taýýarlatmak we ş.m. üçin edilýän tabşyryk, sargyt. *Edaralaryň buýurmasy boýunça dürli görnüşdäki aýakgap önümleri öndürilýär* ("Türkmenistan").

**BUÝURMAK** [buýurmok] **I**, *işl.* **1**. Bir işi ýerine ýetirmegi tabşyrmak, buýruk bermek. *–Düýäni hökman duşakla – diýip buýurdy.* **2**. Hudaýyň eradasy bilen nesip etmek. *Çeken zähmetiň hözirini hem buýursa görmeli-dä.*

**BUÝURMAKLYK** [buýurmokluk], *iş ady.* Buýurmak ýagdaýy.

**BUÝUŞ**, *iş ady.* Buýmak ýagdaýy.

**BUZ** [bu:z], *at.* Doňan suw. *Kärhananyň işgärleri buz öndürýän gysyjylaryň üçüsini oturtmaga girişdiler* ("Türkmenistan").

◊ **Buz bolmak** sowamak, sowap galmak. *Demli çaý buz bolupdyr*. **Buz üstünde tozan aramak (turuzmak)** sebäpsiz bahanalar bilen azar bermek, igenmek, yrsaramak. **Buz ýaly** örän sowuk. *Garda oýnap gelen çagalaryň elleri buz ýalyjakdy.*

**BUZA** [buzo], *at, kön.s.* Arpa suwundan edilýän içgi. *Görogly bir gün meýhanasynda iliniň beg-töreleri, kyrk ýigidi, ogullary bilen buza, şerap içip, meý-mest bolup otyrdy* ("Görogly").

**BUZAW** [buzow], *at.* Ýeriň ýokarky ýuka gatlagynyň aşagy bilen ýöräp, bakja ekinlerine uly zyýan ýetirýän kellesi uly, uzynja möjek, mürzebaşy.

**BUZGAÝMAK** [bu:zğaýmak], *at.* Gaýmakdan, şekerden, miwe suwundan, hoşboý ysly maddalardan doňdurylyp ýasalýan süýji iýmit (*ser*. **Doňdurma 3**.).

**BUZGUNÇ** [buzğunç], *at.* **1**. Pissäniň ýapragynyň ýeňsesinden çykýan şepbik (döwüp, süzüp, sanjylan adama içirýärler). **2**. Tebigy, özboluşly, ýakymly, hoşboý (ys hakynda). *Gyly gyrylmadyk buzgunç ysly keteni köýnek.*

**BUZHANA** [bu:zha:na], *at.* **1**. Buz saklanýan jaý. **2**. *gepl.d.* Sowuk, ot ýanmadyk jaý. *Bu otagda oturar ýaly däl, buzhana*.

**BUZLUK** [bu:zluk], *at.* Buz bilen örtülen meýdan, doňaklyk. *Ägirt uly buzluklar*.

**BUZLY** [bu:zly], *syp*. **1**. Içine buz atylan. *Buzly suw*. **2**. Buz bilen örtülen. *Demirgazyk buzly okeany*.

**BÜDREME** [büdürömö], *iş ady.* Büdremek ýagdaýy.

**BÜDREMEK** [büdürömök], *işl.* **1**. Aýagyň bir zada degip, batly yranyp gitmek, entireklemek. **2**. *göç.m.* Garaşylmadyk kynçylyga uçrap, birden durmak; ýalňyşlyk goýbermek. *Eger bir gün goýsa urmasyn ýürek, Aýdylmadyk ýagşy söze büdrändir* (G. Ezizow).

**BÜDREMEKLIK** [büdürömöklük], *iş ady.* Büdremek ýagdaýy.

**BÜDRETMEK** [büdürötmök], *işl.* **1**. Aýagyny bir zada degrip, çolaşdyryp entirekletmek. **2**. *göç.m.* Birini ýalňyşdyrmak, kynçylyga sezewar etmek.

**BÜDREÝIŞ** [büdüröýüş], *iş ady.* Büdremek ýagdaýy.

**BÜDÜR-SÜDÜR**, *syp.* **1**. Tekiz däl, ýylmanak däl, çukanakly. *Gowaklardan büdür-südür daş gurallary tapyldy.* **2**. Beýikli-pesli, çarkandak, çukanak-çukanak.

**BÜDÜR-SÜDÜRLIK** [büdür-südürlük], *at.* Tekiz dällik, ýylmanak dällik, çukanak-çukanak ýer, büdür-südür ýer.

**BÜKDÜRILMEK** [bükdürülmök], *işl.* **1**. Iki dini hem towly sapaklar igiň, çarhyň kömegi bilen bir-biriniň daşyndan towlanmak. **2**. Iki bükülip, urnup ýatmak. *Oglanjyk içinden ötle tutup, bükdürilip ýatyrdy.*

**BÜKDÜRIŞ** [bükdürüş], *iş ady.* Bükdürmek ýagdaýy.

**BÜKDÜRME** [bükdürmö] **I**, *iş ady.* Bükdürmek ýagdaýy. **II**, *at.* Tow berlip işilen birnäçe dinli ýüp.

**BÜKDÜRMEK** [bükdürmök] **I**, *işl.* Bükmek işini başga birine etdirmek (*ser*. **Bükmek 2**). *Börek bükdürmek.* **II** *işl.* **1**. Ýüpüň ýa-da ýüplügiň aýry-aýry dinlerine tow berip ýüp işmek, ikde tow bermek. *Ýüpüň iki ujuny deňläp bükdürmäge başlady* (A. Durdyýew).

**BÜKDÜRMEKLIK** [bükdürmöklük], *iş ady.* Bükdürmek ýagdaýy.

**BÜKDÜRTMEK** [bükdürtmök], *işl.* Bükdürmek işini başga birine etdirmek.

**BÜKGÜLDEME** [bükgüllömö], *iş ady.* Bükgüldemek ýagdaýy.

**BÜKGÜLDEMEK** [bükgüllömök], *işl.* Bir zat barada ynjalyksyz ýagdaýda ýürek urmak, aladaly ýagdaýda bolmak. *Şeýle-de bolsa, haçan aryny alarka diýip, böwrüm bükgüldäp dur* ("Edebiýat we sungat").

**BÜKGÜLDEMEKLIK** [bükgüllömöklük], *iş ady.* Bükgüldemek ýagdaýy.

**BÜKGÜLDEÝIŞ** [bükgüllöýüş], *iş ady.* Bükgüldemek ýagdaýy.

**BÜKGÜLDI** [bükgüllü], *at.* Ynjalyksyzlyk, närahatlyk, howsalalyk. *Oglanlaryň ýüregine bükgüldi gitdi* (A. Durdyýew).

**BÜKLEM-BÜKLEM** [büklöm-müklöm], *syp.* **1**. Birnäçe gezek egrelip, aýlanyp, egrem-bugram bolup gidýän. *Derýa büklem-büklem bolup towlanyp, lummurdap akyp ýatyr*. **2**. *göç.m.* Agdar-düňder.

**BÜKLÜM-BÜKLÜM** [büklüm-müklüm], *syp., ser.* **Büklem-büklem 2**.

**BÜKME** [bükmö], *iş ady.* Bükmek ýagdaýy.

**BÜKMEK** [bükmök], *işl.* **1**. Bir zady epmek, egmek. *Ol bir eliniň barmaklary bilen beýlekisiniň barmaklaryny bükdi.* **2**. Gyralaryny epip, bir-birini berkitmek. *Ertir bilen börek büküp goýupdym.* **3**. *göç.* Töhmet we ş.m. sebäpli birini ruhy taýdan ejizletmek. *Ony büken biwaz ogly boldy.*

**BÜKMEKLIK** [bükmöklük], *iş ady.* Bükmek ýagdaýy.

**BÜKÜK**, *syp., gepl.d.* Bükülen, epilen. *Bili bükük adam*.

**BÜKÜKLIK** [büküklük], *at.* Bükülip duranlyk, epilenlik. *Onuň kebzesiniň bükükligi bir hili ýaraşyksyz görünýärdi.*

**BÜKÜLMEK** [bükülmök], *işl.* Egilmek, epilmek, ýapyrylmak. *Nätanyş biraz wagt durup, agajyň sütüninden aýryldy, büküldi we gapdaldaky agaja tarap ylgady.*

**BÜKÜR**, *syp.* Itigi keselli ýa-da bil oňurgasy ýazyp küýkeren, küýki.

**BÜKÜRDEME** [bükürdömö], *iş ady.* Bükürdemek ýagdaýy.

**BÜKÜRDEMEK** [bükürdömök], *işl.* Bükürdili oýnaklamak we aýak sesi çykmak, dükürdemek. *Göle guýrugyny jaýtardyp, iki tarapa bükürdeýärdi.*

**BÜKÜRDEMEKLIK** [bükürdömöklük], *iş ady.* Bükürdemek ýagdaýy.

**BÜKÜRDEŞMEK** [bükürdöşmök], *işl.* Birtopar bolup bükürdemek, birnäçe bolup bükürdemek. *Göleler bükürdeşýärler.*

**BÜKÜRDETMEK** [bükürdötmök], *işl.* Bükürdemäge sezewar etmek.

**BÜKÜRDEÝIŞ** [bükürdöýüş], *iş ady.* Bükürdemek ýagdaýy.

**BÜKÜRDI** [bükürdü], *at.* Haýwanlaryň gorkup ýa-da oýnaklap edýän dabyrdysy, aýaklarynyň sesi we onuň ady. *Göle ürküp, bükürdini urdy*.

**BÜKÜRLIK** [bükürlük], *at.* Bükür bolmaklyk, bükür görnüşlilik, küýkülik.

**BÜKÜŞ**, *iş ady.* Bükmek ýagdaýy.

**BÜKÜŞMEK** [büküşmök], *işl.* Bükmäge kömekleşmek. *Manty büküşmek.*

**BÜKÜTME** [bükütmö], *iş ady.* Bükütmek ýagdaýy.

**BÜKÜTMEK** [bükütmök], *işl.* Göwräňi birneme aşak egmek, bükülmek, ýygrylmak. *Ol büküdip gyşardy we süýji uka gitdi.*

**BÜKÜTMEKLIK** [bükütmöklük], *iş ady.* Bükütmek ýagdaýy.

**BÜRE** [bürö], *at.haýwanat d.* Gan sorujy çalasyn uçýan möjejik.

**BÜRELMEK** [bürölmök], *işl.* Biriniň ýa-da bir zadyň üsti örtülmek, bir zat bilen ýüzi, üsti ýapylmak, bürenjek atylmak.

**BÜREME** [bürömö], *iş ady.* Büremek ýagdaýy.

**BÜREMEK** [bürömök], *işl.* **1**. Biriniň ýa-da bir zadyň üstüni örtmek, üstüni ýapmak. **2**. Bürenjek atmak.

**BÜREMEKLIK** [bürömöklük], *iş ady.* Büremek ýagdaýy.

**BÜRENJEK** [burönjök], *at.* Aýallaryň başyna atynýan başatgyjy. *Onuň başynda ýeňiljek bürenjek bardy.*

**BÜRENMEK** [bürönmök], *işl.* Bir zat örtünmek, ýapynmak. *Ýorgana bürenip ýatmak.*

**BÜREÝIŞ** [büröýüş], *iş ady.* Büremek ýagdaýy.

**BÜRGÜT** [bürğüt], *at.* Uly we güýçli ýyrtyjy guş. *Aýdar Baýram, dilin bilseň, Şaglap iner bürgütleri* (Halk aýdymyndan).

**BÜRJEŞIK** [bürjöşük], *syp.* Ýygyrt-ýygyrt, bürjeşip duran, bürşük. *Onuň bürjeşik elleriniň zähmete bişendigi mälimdi.*

**BÜRJEŞIKLIK** [bürjöşüklük], *at.* Ýygyrt--ýygyrtlyk, bürşüklik.

**BÜRJEŞME** [bürjöşmö], *iş ady.* Bürjeşmek ýagdaýy.

**BÜRJEŞMEK** [bürjöşmök], *işl.* Ýygyrt-ýygyrt bolmak, ýygrylmak, bürşük bolmak. *Onuň ýüz-gözi bürjeşipdi.*

**BÜRJEŞMEKLIK** [bürjöşmöklük], *iş ady.* Bürjeşmek ýagdaýy.

**BÜRJÜME** [bürjümö] **I**, *at.* Gyňajyň, matanyň gyrasynyň basdyrylyp, soň ýörmelip tikilişiniň bir görnüşi.

**BÜRJÜME** [bürjümö] **II**, *iş ady.* Bürjümek ýagdaýy.

**BÜRJÜMEK** [bürjümök], *işl.* Bürjüme görnüşinde tikmek.

**BÜRKÜLDEME** [bürküllömö], *iş ady.* Bürküldemek ýagdaýy.

**BÜRKÜLDEMEK** [bürküllömök], *işl.* Örän ýumşak, ürgün, ürpek halda bolmak. *Bürküldäp duran tozanly ýol.*

**BÜRKÜLDEMEKLIK** [bürküllömöklük], *iş ady.* Bürküldemek ýagdaýy.

**BÜRKÜLDEWÜK** [bürküllöwük], *syp.* Bürküldäp duran, ürpek. *Hemişe ýerler, ýollar çukanak-çukanak bolup, bürküldewük gum tozap ýatardy* (B. Kerbabaýew).

**BÜRKÜLDEÝIŞ** [bürküllöýüş], *iş ady.* Bürküldemek ýagdaýy.

**BÜRME** [bürmö] **I**, *iş ady.* Bürmek ýagdaýy.

**BÜRME** [bürmö] **II**, **1**. *iş ady.* Bürmek ýagdaýy. **2**.*at. lukmanç.* Adamyň we haýwanlaryň bedenindäki ýaranyň, sypjyrygyň we ş.m. üsti bilen düşýän we

döreýän damar çekmesi bilen häsiýetlendirilýän ýiti ýokanç kesel.

**BÜRMEK** [bürmök] **I**, *at, ösüml.d.* Dik ösýän we daşy maýdaja gyldyrganly birýyllyk däneli haşal ot. *Olar bürmek, akbaş, pişikdyrnak ýygmazlar, çünki olary hiç mal iýenok* (N. Esenmyradow).

**BÜRMEK** [bürmök] **II**, *işl.* Ýygyrmak, büzmek. *Ol birden werziş eden hemişeki bolşuny üýtgetmekden çekinýän ýaly gaşlaryny bürdi* (N. Jumaýew).

**BÜRMEKLIK** [bürmöklük] **I**, *at.* Bürmegiň köp ösüp oturan ýeri.

**BÜRMEKLIK** [bürmöklük] **II**, *iş ady.* Bürmek ýagdaýy.

**BÜRŞÜK**, *syp.* Ýygrylyp, mürşüp duran. *Ol bürşük ýüzüni ýokary galdyrdy.*

**BÜRÜLMEK** [bürülmök], *işl.* Ýumulmak. *Gabaklary diýen etmän bürülýärdi* (B. Gurbanow).

**BÜRÜNÇ I**, *at.* Mis bilen galaýy garyndysyndan emele gelýän metal.

◊ **Bürünç asyry –** bürünçden ýasalan ýaraglaryň, iş gurallarynyň, bezeg esbaplarynyň, gap-çanaklaryň ýaýramagy bilen häsiýetlenýän, takmynan b. e. öň III-I müňýyllyklary öz içine alýan medeni-taryhy döwür. **Bürünç çanlar** bürünçden tegelek görnüşde ýasalýan we kakylyp çalynýan gadymy türkmen saz guraly. *Çanlary biri-birine urmak arkaly ses alynýar*.

**BÜRÜNÇ II**, *at, gepl.d.* Tüwi. *Atyň kişmiş iýermi, bürünç iýermi?* ("Görogly"). *Ýagşy diýrler mäş, bürünji, Kem dälsiň hiç aşdan, bugdaý* (Mätäji).

**BÜRÜŞ**, *iş ady.* Bürmek ýagdaýy.

**BÜRÜŞDIRMEK** [bürüşdürmök], *işl.* **1**. Ýygyrmak, bürmek. *Ol çogdam gaşlaryny bürüşdirip, esli saklandy.* **2**. Bedeniň bir ýerini ýa-da bir zady oda ýa-da gaýnag suwa ýakyp çürüşdirmek. *Ädigimi guratjak bolup, oda bürüşdirdim.* **3**. Ýygryp tikmek. *Çagasynyň köýneginiň ýeňini bürüşdirdi.*

**BÜRÜŞME** [bürüşmö], *iş ady.* Bürüşmek ýagdaýy.

**BÜRÜŞMEK** [bürüşmök], *işl.* Ýygrylmak, ýygyrt-ýygyrt bolmak, mürşermek. *Onuň ýüzüniň hamy bürşüpdi.*

**BÜRÜŞMEKLIK** [bürüşmöklük], *iş ady.* Bürüşmek ýagdaýy.

**BÜS-BÜTIN** [büs-vütüýn], *hal.* Düýpgöter, bütinleý. *Şol gürrüňler büs-bütin ýalandy.*

**BÜTIN** [bütüýn], *çal.* Ähli, hemme, bar.

**BÜTINDÜNÝÄ** [bütüýndünýä:], *syp.* Dünýäniň ähli ýeri, dünýäniň ähli ýurtlary. *Bütindünýä guramalary.*

**BÜTINLEÝ** [bütüýnlöý], *hal.* **1**. Düýbünden, düýpgöter, bütinleýin, tutuşlygyna. *Daş-töwerek eýýäm bütinleý garaňkyrapdy.* **2**. Boýdan-başa, tutuş, doly. *Giň otaga bütinleý haly ýazdylar.*

**BÜTINLEÝIN** [bütüýnlöýün], *hal, ser.* **Bütinleý**. *Häzirki aýdýanym bütinleýin başga*.

**BÜÝLI** [büýlü], *at.* Düýäniň burny deşilip öturilýän ik şekilli, bir ujy haçjaly, beýleki ujy epenekli agaç, taýajyk.

**BÜZDÜRMEK** [büzzürmök], *işl.* Sapak geçirip ýa-da sapagy gaty çekip ýygyrt atdyrmak, ýygryp tikdirmek. *Haltanyň agzyny büzdürmek.*

**BÜZME** [büzmö], *iş ady.* Büzmek ýagdaýy.

**BÜZMEK** [büzmök] **I**, *işl.* Sapak geçirip ýa-da sapagy çekip ýygyrmak. *Ak biz haltasynyň büzmegini çözüp, süýtdir şeker garyp bişirilen ýumşajyk külçelerden çykardy* ("Türkmenistan"). **II**, **1**. *syp.* Büzülen (etegi, gyrasy, agzy büzülen zat hakynda). *Bili büzmek köýnek.* **2**. *at.* Haltanyň agzynyň büzülip, içine ýüp öturilip, çekilip baglanýan ýeri; tutyny eýläk-beýläk süýşürmek üçin ýokary başy büzülip, içine ýüp ötürilýän bölegi. *Tutynyň büzmegi*. *Çaý haltanyň büzmegi.*

◊ **Büzmek balak** – bili we gonjunyň agzy büzülen oglan balagy.

**BÜZMEKLIK** [büzmöklük], *iş ady.* Büzmek ýagdaýy.

**BÜZÜLMEK** [büzülmök], *işl.* Sapak geçirilip ýa-da çekilip ýygrylmak.

**BÜZÜŞ**, *iş ady.* Büzmek ýagdaýy.

**BÜZÜŞDIRMEK** [büzüşdürmök], *işl.* Bir ýa-da birnäçe zady büzüp çykmak. *Haltanyň agzyny büzüşdirmek.*

**BÜZÜŞMEK** [büzüşmök], *işl.* Büzmäge kömekleşmek.

**BYÇGY** [byçğy/ pyçğy], *at.* Agaç, demir kesmek üçin ulanylýan dişli polat gural. *Demir kesýän byçgy. Byçgy bilen agaç kesmek.*

**BYÇGYDIŞ**, [byçğydi:ş], *at.* Hala we dürli el işlerine salynýan nagyş.

**BYÇGYLAMA** [byçğylama/ pyçğylama], *iş ady.* Byçgylamak ýagdaýy.

**BYÇGYLAMAK** [byçğylamak/ pyçğylamak], *işl.* Byçgy bilen kesmek. *Agajy byçgylap kesmek*.

**BYÇGYLAMAKLYK** [byçğylamaklyk/ pyçğylamaklyk], *iş ady.* Byçgylamak ýagdaýy.

**BYÇGYLANMAK** [byçğylanmak/ pyçğylanmak], *işl.* Byçgy bilen kesilmek.

**BYÇGYLAŞMAK** [byçğylaşmak/ pyçğylaşmak], *işl.* Byçgylamaga kömekleşmek; byçgy bilen kesişmek.

**BYÇGYLATMAK** [byçğylatmak / pyçğylatmak], *işl.* Byçgylamak işini başga birine etdirmek.

**BYÇGYLAÝYŞ** [byçğylaýyş/ pyçğylaýyş], *iş ady.* Byçgylamak ýagdaýy.

**BYDYM-SYDYM**: *gepl.* **bydym-sydym etmek** bir işe başlanyňda güýmenjiräp, gowuşgynsyz hereket etmek. *Näme, indi agaja çüý kakmagam eliňden gelenokmy, ýöne bydym-sydym eden bolup otyrsyň?!*

**BYGYR-BYGYR** [byğyr-vyğyr], *s. ş. aňl. söz.* Aram otda gazanda gaýnaýan gaýnatmadan, çekdirmeden çykýan ses. *Bygyr-bygyr edip gaýnaýan çekdirme.*

**BYGYRDAMA** [byğyrdama], *iş ady.* Bygyrdamak ýagdaýy.

**BYGYRDAMAK** [byğyrdamak], *işl.* Bygyr-bygyr edip, bygyrdyly ses bilen gaýnamak. *Gazanda bygyrdap bişip duran balyk.*

**BYGYRDAŞMAK** [byğyrdaşmak], *işl.* Bygyrdap gaýnaşyp durmak. *Dört-bäş gazan çekdirme bygyrdaşyp gaýnap dur.*

**BYGYRDAÝYŞ** [byğyrdaýyş], *iş ady.* Bygyrdamak ýagdaýy.

**BYGYRDY** [byğyrdy], *at.* Aram otda gazanda çala gaýnaýan gaýnatmadan, çekdirmeden we ş.m. bygyr-bygyr edip çykýan sesiň ady.

**BYJYKLAMAK: içiň byjyklamak** göwnejaý edilmeýän işe bikarar bolmak, bir işiň edilişi maňzyňa batman gyjynmak, ýüregiň çatlamak. *Ýene-de oňa sorag beresi gelip, içi byjyklap durdy* (A. Gowşudow).

**BYKYN**, *at. anat.* Gapyrgalaryň aşak ýüzi, aşak etegi, biliň gapdal tarapy. *Garynlary bykynlaryna ýelmeşen atlar ümzüklerini ileri atýardylar* (B. Kerbabaýew).

**BYZBYDYKLAMAK** [byzvydyklamak], *işl.* Uly aladaly, hysyrdyly, aljyraňňy ýagdaýda bolmak. *Ol otly köýnek geýen ýaly byzbydyklap böküp ýör.*

**BYZBYDYKLAŞMAK** [byzvydyklaşmak], *işl.* Köpçülikleýin byzbydyklamak. *Gaharguly han ýaly gorkak hanlar-da gor basan ýaly byzbydyklaşyp, Seýdiniň çagyryşyna garşy gidipdirler* (N. Pomma).

**BYZBYLDAMAK** [byzvyllamak], *işl., ser.* **Byzbydyklamak**.

**BYZMYK**, *at.* Alan hamyr el bilen ýazylyp bişirilýän kiçiräk çapady. *Olar byzmyk bilen gaýmak iýip, garynlaryny doýurdylar.*

**BÝUJET** [büjet / bütjet], *at.* Döwlet girdejileriniň we çykdajylarynyň kanun tertibinde belli bir möhlet üçin tassyklanan maliýe smetasy.

# Ç

**Ç**, Türkmen elipbiýiniň üçünji harpy.

**ÇABALANDYRMAK** [çavalannyrmak], *işl.* Çabalanmaga mejbur etmek.

**ÇABALANMA** [çavalanma], *iş ady.* Çabalanmak ýagdaýy.

**ÇABALANMAK** [çavalanmak], *işl.* **1**. Agyrysyna çydaman urnup ýatmak. *Ol çabalanyp ýatyr*. **2**. *göç.m.* Ikibaka ylgap, öz diýenini gögertjek bolmak, bir işi amala aşyrmak üçin haku-nähak çendenaşa çalyşmak. *Ol her näçe çabalansa-da, etjegini edip bilmedi.*

**ÇABALANMAKLYK** [çavalanmaklyk], *iş ady.* Çabalanmak ýagdaýy.

**ÇABALANYBERMEK** [çavalanyvermek], *işl.* Çabalanyp başlamak; çabalanyp ugramak. *Bolşuňa düşünemok, dişiň çala agyrdygy çabalanyberýäň.*

**ÇABALANYŞ** [çavalanyş], *iş ady.* Çabalanmak ýagdaýy.

**ÇABALANYŞMAK** [çavalanyşmak], *işl.* Birnäçe bolup çabalanmak. *Näme beýle çabalanyşýarsyňyz, turuň ýeriňizden!*

**ÇABDAR** [çavdar], *syp.* Aýaklarynyň köp ýeri ak, göwresi gyzylymtyl reňkli (at hakda).

**ÇABGA** [çavğa], *at.* Örän güýçli ýagýan ýagyş, jala. *Birdenem asman ähli suwuny döken ýaly, dünýäni suw-sil edip, çabga geldi...* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Älem içre at gezer"). *Güýçli gelen çabga dünýäni öl-suw edipdi* (A. Gurbanow).

**ÇABJAMA** [çavjama], *iş ady, gepl.d.* Çabjamak ýagdaýy.

**ÇABJAMAK** [çavjamak], *işl., gepl.d.* Bir zat gözläp, dürli tarapa ylgamak, alakjamak, sermenmek, urunmak.

**ÇABJAMAKLYK** [çavjamaklyk], *iş ady, gepl.d.* Çabjamak ýagdaýy. *Beýle çabjamaklyk nämä gerekkä?*

**ÇABJAŞMAK** [çavjaşmak], *işl, gepl.d.* Birnäçe bolup çabjamak. *Olar enesinden azaşan köşek ýaly çabjaşyp ýördüler*.

**ÇABJATMAK** [çavjatmak], *işl.* Çabjamaga mejbur etmek.

**ÇABJAÝYŞ** [çavjaýyş], *iş ady*. Çabjamak ýagdaýy.

**ÇABRABERMEK** [ça:vyra:vermek], *işl.* Çabrap başlamak, çabrap ugramak.

**ÇABRAMA** [ça:vyrama], *iş ady.* Çabramak ýagdaýy.

**ÇABRAMAK** [ça:vyramak], *işl.* **1**. Labyrdap ýalynly ýanmak, bat bilen ýalyn çykmak, ýalyn göterilmek. *Ojakdan ýalyn çabrap gitdi.* **2**. Ýalyn

degip çala ýakmak, ýalyn degmek. *Onuň ýüzüne-de ot çabrapdyr* (A. Gowşudow). **3**. *göç.m.* Ýangynly bolmak, täsirli bolmak. *Keýmiriniň soňky sözleri ýalyn kimin çabrap çykdy* (G. Kulyýew). **4**. *göç.m.* Birnäçe ýere ýetişmek üçin haýdap gymyldamak.

**ÇABRAMAKLYK** [ça:vyramaklyk], *iş ady.* Çabramak ýagdaýy. *Ol ýalnyň çabramaklygynyň nämä getirjekdigini bilýärdi.*

**ÇABRATMAK** [ça:vyratmak], *işl.* **1**. Ýalynly ýakmak, ýalyn göteriler ýaly, çabrar ýaly ýakmak. *Syzany çabradyp ýaksaň, gazanyň içi hapadan dolar.* **2**. *göç.m.* Birnäçe işi birden etmek üçin birini ikibaka ylgatmak, çar tarapa ýüwürtmek.

**ÇABRAÝYŞ** [ça:vyraýyş], *iş ady.* Çabramak ýagdaýy.

**ÇABYT** [çavyt], *at.* Egne geýilýän ýa-da başa atylýan ýukajyk don; başatgyç. *Ol çabydyny atynyp, daş çykdy*.

◊ **Mallaý çabyt** gyrmyzy dondan tapawutlylykda, ýerliginde sary çyzmyklary azrak bolan çabyt.

**ÇABYTLYK** [çavytlyk], *syp*. Çabyt etmek üçin, çabyt üçin niýetlenen. *Çabytlyk mata*.

**ÇADRA** [ça:dyra], *at.* Aýallaryň ör – boýuny we ýüzüni ýapyp duran nykaply ýuka perenjiniň bir görnüşi (käbir ýurtlarda).

**ÇADYR** [ça:dyr], *at.* **1**. Ygaldan, sowukdan we ş.m. goranmak üçin galyň syk matadan tutulýan wagtlaýyn jaý. *Çopanlar üçin oýluklar, ädikler, çadyrlar ýeterlik.* **2**. Käbir maşynlaryň üstüne, gapdallaryna tutulýan galyň, syk mata. *Çadyry güne solup ugran "gazigimiz" gün ýaşyberen uçurragy myhmanhananyň öňünde togtady* (T. Gurbanow).

**ÇADYRLYK** [ça:dyrlyk], *at, syp*. **1**. Köp çadyr gurlan ýer. *Baýryň üsti giden çadyrlykdy*. **2**. Çadyr üçin niýetlenen, çadyr eder ýaly (galyň, syk mata we ş.m.)

**ÇAG** [ça:ğ], *at.* **1**. Belli bir aralykdaky wagt, pursat, döwür. *Biz daýhan birleşigine baranymyzda guşluk çagydy* ("Türkmenistan"). **2**. Wagty hoş, göwni şat. *Düýn onuň keýpi çagdy.*

**ÇAGA** [ça:ğa], *at.* **1**. Käbir haýwanlaryň ýaşajyk balasy, önelgesi. *Guşuň çagasy. Pişigiň çagasy.* **2**. Perzent, zürýat. *Bäş çaganyň enesi.* **3**. Kämillik ýaşyna ýetmedik, kemala gelmedik oglan-uşak. *Ol entek çagadyr*.

◊ **Çaga aýyrtmak** entek düwünçege jan girmänkä, wagtyndan öň emeli ýol bilen göwreliligi kesmek, çaga düşürmek. **Çagalar bagy** – mekdebe çenli ýaşly çagalar terbiýelenýän edara. *Arada maňa çagalar bagyna barmak miýesser boldy* ("Nesil"). **Çagalar öýi** ene-atasyz, hossarsyz çagalary terbiýeläp ýetişdirýän edara. **Çaga pişigiň güni ýaly** eşretli durmuşda bolelin ýaşaýan. *Çaga pişigiň güni ýaly gün görýärin*. **Çaga ýaly bolmak** çaga häsiýetli bolmak, oglanlyk etmek. *Sen ýöne çaga ýaly bolma, işe döwlet nukdaýnazaryndan gara!* (B. Kerbabaýew).

**ÇAGA-ÇUGA** [ça:ğa-çu:ğo], *at.* Oglan-uşak, bala-çaga; perzentler.

**ÇAGALAMA** [ça:ğalama], *iş ady.* Çagalamak ýagdaýy.

**ÇAGALAMAK** [ça:ğalamak], *işl.* **1**. Çaga dogurmak, çagasy bolmak. **2**. Çaga çykarmak (guşlar hakynda). *Ol garga haçan çagalasa, bu ýylan onuň çagalaryny iýýär eken* ("Türkmen halk ertekileri").

**ÇAGALAMAKLYK** [ça:ğalamaklyk], *iş ady.* Çagalamak ýagdaýy. *Çagalamaklyk zenan maşgalanyň tebigatynda bardyr.*

**ÇAGALAMAZLYK** [ça:ğalamazlyk], *işl.* Çagasy bolmazlyk, önelgesizlik.

**ÇAGALATDYRMAK** [ça:galatdyrmak], *işl.* Birini çagalamaga mejbur etmek; çaga dogurmaga mümkinçilik döretmek.

**ÇAGALATMAK** [ça:ğalatmak], *işl.* Birine çaga dogurtmak.

**ÇAGALAÝYŞ** [ça:ğalaýyş], *iş ady*. Çagalamak ýagdaýy.

**ÇAGALY** [ça:ğaly], *syp*. Çagasy bar bolan, perzentli. *Gelin aldyň, çagaly bolduň!*

**ÇAGALYK** [ça:ğalyk], *at*. Ynsanyň çaga ýaşyndaky döwri, çaga wagty. *Çagalyk ýyllarym ýadyma* düşýär.

**ÇAGALYLYK** [ça:ğalylyk], *at*. Çagasy barlyk; çagasyz dällik. *Çagalylyk maşgalanyň bezegidir*.

**ÇAGARYK** [çağaryk], *at.* Tüýnügiň içinden atanaklaýyn goýulýan agaçlar.

◊ **Çagarygy çagşamak** öňki ýagdaýyndan nam-nyşan galmazlyk, deregi dargamak. **Çagarygyny çaşyrmak** öýüni ýykmak, öýüni başyna ýumurmak.

**ÇAGASYRAMAK** [ça:ğasyramak], *işl.* **1**. Çagasynyň bolanyny islemek, çaga islemek, küýsemek. *Ol gelin bir çaga görse, ony bagryna basardy, diýseň çagasyrardy.* **2**. Çaga bolan bolmak, özüňi çaga saýmak.

**ÇAGASYZ** [ça:ğasyz], *syp*. Çagasy ýok, perzentsiz. *Çagaly öý – bazar, çagasyz öý – mazar* (Nakyl).

**ÇAGASYZLYK** [ça:ğasyzlyk], *at.* Çagasy ýokluk, perzentsizlik. *Çagasyzlykdan zeýrenmek.*

**ÇAGLAMA** [ça:ğlama], *iş ady*. Çaglamak ýagdaýy.

**ÇAGLAMAK** [ça:ğlamak], *işl.* **1**. Keýpiňi sazlamak, köklemek, göwnüňi hoşlamak. *Ýagşy ýola girip, könül çaglagyn* (Zynhary). **2.** Taýýarlamak, häzirlemek, şaýlanmak. *Watan üçin belli bir maksat tutup, özlerini ölüme çaglap gelen adamlaryň nähili düşgürligini şu ýerde ölçemek bolardy* (A. Gowşudow).

**ÇAGLAMAKLYK** [ça:ğlamaklyk], *iş ady*. Çaglamak ýagdaýy.

**ÇAGLANMAK** [ça:ğlanmak], *işl.* Bir zada häzirlenmek, öňünden taýýarlyk görmek. *Her kim toýa çaglanyp dur* (M. Seýidow).

**ÇAGLAŞMAK** [ça:ğlaşmak], *işl.* Birnäçe bolup bir zada taýýarlanmak, häzirlenmek.

**ÇAGLATMAK** [ça:ğlatmak], *işl.* Keýpini galdyrmak, göwnüni hoş etmek. *Çagajyklaryň keýpini çaglatmak.*

**ÇAGLAÝYŞ** [ça:ğlaýyş], *iş ady*. Çaglamak ýagdaýy.

**ÇAGRAMAK** [çağramak], *işl., gepl. d., ser.* **Şagramak**.

**ÇAGRAŞMAK** [çağraşmak], *işl., gepl.d.* Gurap, şakyrdaşyp paýrap ýatmak, şagraşmak. *Ine, süriniň ýatýan ýeri garalyp ýatyr, goýun çörleri çagraşyp ýatyr* (A. Gowşudow).

**ÇAGŞABERMEK** [çağşa:vermek], *işl.* Çagşap, dargap ugramak, dargadyp başlamak.

**ÇAGŞADYBERMEK** [çağşadyvermek], *işl.* Çagşadyp, dargadyp ugramak, dargadyp başlamak. *Çatmany çagşadybermek.*

**ÇAGŞADYLMAK** [çağşadylmak], *işl.* Biri ýa bir zat tarapyndan sandan çykarylmak, dargadylmak.

**ÇAGŞAMA** [çağşama], *iş ady*. Çagşamak ýagdaýy.

**ÇAGŞAMAK** [çağşamak], *işl.* **1**. Könelip dargamak, sandan çykmak, dyr-pytrak bolmak, bölekleri biri-birinden aýrylmak. *Çagşan araba. Çagşan oraça.* **2**. Bitertip ýaýrap ýatmak, pytrap ýatmak. *Tekjelerde başly-barat goýlan kitaplar çagşap ýatyr* ("Edebiýat we sungat"). **3**. *göç.m.* Garrap güýji, gujur-kuwwaty gaçmak, lagşamak. *Ol ilki elini dyzyna diräp oturanda, çagşan süňkleri şakyrdaşyp gitdi* (B. Seýtäkow). **4**. *göç.m.* Dargap, gowşap, güýji gaçyp başlamak.

**ÇAGŞAMAKLYK** [çağşamaklyk], *iş ady*. Çagşamak ýagdaýy.

**ÇAGŞAŞMAK** [çağşaşmak], *işl.* Başly-baratly çagşap ýatmak, pytraşyp ýatmak, yzly-yzyna dargamak; dura-bara sandan çykmak.

**ÇAGŞATDYRMAK** [çağşatdyrmak], *işl.* Birine ýa bir zada sandan çykartdyrmak, dargatdyrmak. *Täzeje arabany saňa çagşatdyrmaga ýol bermerin*.

**ÇAGŞATMAK** [çağşatmak], *işl.* **1**. Çagşap gitmegine eltmek, köneldip dargatmak. **2**. Pytradyp taşlamak.

**ÇAGŞAÝYŞ** [çağşaýyş], *iş ady*. Çagşamak ýagdaýy.

**ÇAGŞYL** [çağşyl], *at*. Ýylgynyň gurap galan şahalary. *Gapysyndaky çagşylyň gönümellerinden saýlap, boýuntyryga samaçaw ýasady* (B. Kerbabaýew).

**ÇAGŞYLDABERMEK** [çağşylla:vermek], *işl.* Çagşyldyly ses çykaryp başlamak, çagşyl-çagşyl ses çykaryp gymyldamak.

**ÇAGŞYL-ÇAGŞYL** [çağşyl-çağşyl], *hal, ser.* **Çagşyldy**. *Güjümiň ýapraklary çagşyl-çagşyl ses edýär* ("Görogly").

**ÇAGŞYL-ÇUGŞUL** [çağşyl-çuğşul], *ser.* **Çağşyl-çağşyl**.

**ÇAGŞYLDAMA** [çağşyllama], *iş ady*. Çagşyldamak ýagdaýy.

**ÇAGŞYLDAMAK** [çağşyllamak], *işl.* Çagşyldyly ses çykmak, çagşyldyly seslenmek. *Deregiň ýapraklary ýeliň zarbyna çagşyldaýardy*.

**ÇAGŞYLDAMAKLYK** [çağşyllamaklyk], *iş ady*. Çagşyldamak ýagdaýy.

**ÇAGŞYLDAŞMAK** [çağşyllaşma], *işl.* Çagşyldyly ses edişmek, çagşyldyly seslenişmek, ýerli-ýerli çagşyldamak.

**ÇAGŞYLDATMAK** [çağşyllatmak], *işl.* Çagşyldyly ses çykartmak, çagşyldyly seslendirmek.

**ÇAGŞYLDAÝYŞ** [çağşyllaýyş], *iş ady.* Çagşyldamak ýagdaýy. *Guran ot-çöpleriň çagşyldaýşy şemalyň güýçlenýändigini aňladýardy.*

**ÇAGŞYLDY** [çağşylly], *at.* Çöp-çalamdan ýörelende ýa-da ýeliň zarbyna agaçlaryň ýapraklary, guran şahalary güýçli herekete gelende, gury zatlar gozgalanda çykýan sesiň ady.

**ÇAGT** [çağyt], *at, gepl.d.* Çag, wagt, pursat. *Gelen çagty. Giden çagty.*

**ÇAGYL** [çağyl], *at*. Gum gatyşykly owunjak daşlar, daş bölekleri; jyglym. *Kenary berkitmek üçin ada çagyl eltildi* ("Türkmenistan").

**ÇAGYLLABERMEK** [çağylla:vermek], *işl.* Çagyl düşäp başlamak, çagyl bilen örtüp ugramak. *Bir gün geldiler-de, tozanly köçämizi çagyllaberdiler*.

**ÇAGYLLAMA** [çağyllama], *iş ady*. Çagyllamak ýagdaýy.

**ÇAGYLLAMAK** [çağyllamak], *işl.* Çagyl düşemek, ýaýratmak, çagyl bilen örtmek.

**ÇAGYLLAMAKLYK** [çağyllamaklyk], *iş ady*. Çagyllamak ýagdaýy.

**ÇAGYLLANMAK** [çağyllanmak], *işl.* Biri tarapyndan ýola, köçä, meýdana çagyl düşelmek.

**ÇAGYLLAŞDYRMAK** [çağyllaşdyrmak], *işl.* Birnäçe ýere çagyl düşäp çykmak, çagyl bilen örtüşdirmek. *Köçeleri, meýdançalary çagyllaşdyryp çykdylar.*

**ÇAGYLLAŞMAK** [çağyllaşmak], *işl.* Birine çagyl düşemäge, ýaýratmaga kömek etmek, çagyl ýaýradyşmak.

**ÇAGYLLATDYRMAK** [çağyllatdyrmak], *işl.* Çagyllatmak işini birine buýurmak, biriniň üsti bilen başga birine çagyl düşetdirmek.

**ÇAGYLLATMAK** [çağyllatmak], *işl.* Birine bir ýere çagyl ýazdyrmak, düşetmek. *Köçeleri çagylladyp gutarmak.*

**ÇAGYLLAÝÝŞ** [çağyllaýyş], *iş ady*. Çagyllamak ýagdaýy.

**ÇAGYLLYK** [çağyllyk], *at.* Çaglyň bol, köp ýeri, giden çagyl bolup ýatan ýer. *Olar çagyllykdan ýöräp geçdiler.*

**ÇAGYRMAK** [ça:ğyrmak], *işl.* **1**. Birini gygyryp, ýanyňa gelmegini haýyş etmek. *Är ýanyna är geler mylakat tapsa, ýüz tapmasa gelmez çagyrmak bilen* (Magtymguly). **2**. Biriniň, birnäçe adamyň bir ýere gelmegini soramak, hormatlamak üçin çakylyk etmek. **3**. Bir ýere toplap, jemläp ýygnak, maslahat, geňeş we ş.m. açmak. *Maslahata çagyryp, sala salanyňyz üçin sag boluň!* ("Edebiýat we sungat"). **4**. Bir işi ýerine ýetirmek maksady bilen çagyryş etmek, ündew etmek. *Adamlary agzybirlige çagyrmak.*

**ÇAGYRTDYRMAK** [ça:ğyrtdyrmak], *işl.* Birini başga birine çagyrtmak, çagyrtmagy birine buýurmak.

**ÇAGYRTMAK** [ça:ğyrtmak], *işl.* Biriniň kömegi bilen çagyrmak, biriniň üsti bilen çagyrmak. *Nahardan soň, Garly uly ogluny hem öýe çagyrtdy* (A. Gowşudow).

**ÇAGYRYJY** [ça:ğyryjy], *at.* Däp-dessura görä, täze durmuşa çykan gyzyň atasy öýüne wagtlaýynça gaýtarylyp eltilmegini gaýyn öýünden haýyş edip baran aýallar topary, çagyrmaga ygtyýar berlen wekil aýallar. *Ajaby getirip giden gaýtaryjylaryň Abadana-da çagyryjy geldikleridi* (B. Kerbabaýew).

**ÇAGYRYLMAK** [ça:ğyrylmak], *işl.* **1**. Bir ýere barmak üçin çakylyk habaryny almak, çakylyk edilmek, gelmegi towakga edilmek. *Çagyrylan ýere bar, otur-da turma, çagyrylmadyk ýere barma, görünme* (Atalar sözi). **2**. Belli bir iş üçin toplanylmak, bir iş, waka üçin çagyryp getirilmek, ýygnanylmak. *Bu gezek ýörite ýygnak çagyryldy* ("Edebiýat we sungat").

**ÇAGYRYLYŞ** [ça:ğyrlyş], *at.* Belli bir mesele üçin nobatdaky ýygnanyşyga toplanyş, maslahata, geňeşe çagyrylyp geliş. *Halk wekilleriniň nobatdaky çagyrylyşy.*

**ÇAGYRYŞ** [ça:ğyryş], *iş ady*. **1**. Çagyrmak ýagdaýy. **2**. Syýasy, ykdysady talaplary aňladýan gysga görnüşli ýüzlenme; şygar. *Men bu çagyryşy sap ýürekden ýerine ýetirmäge çalşaryn* (B. Gurbanow). **3**. Harby gullukda hasaba durmaga ýa gulluga gitmäge iberilýän ýörite çakylyk.

**ÇAGYRYŞDYRMAK** [ça:ğyryşdyrmak], *işl.* Hemmesini çagyryp çykmak, baryny çagyrmak. *Dost-ýarlaryňy toýa çagyryşdyrmak.*

**ÇAGYRYŞMAK** [ça:ğyryşmak], *işl.* Çagyrmaga kömekleşmek.

**ÇAK I**, *at.* Belli bir wagt, pursat, wagt aralygy, çag. *Men şu çaka çenli at-ýaragyň höwesini eden adam däl* (H. Derýaýew).

**ÇAK II**, *at.* **1**. Güman edilýän pikir, çen, çaklama. *Çakym çak bolsa, şu gün ýagyş ýagar. Çakym awtobus ýaňyrak giden bolmaga çemeli, duralgada adam görnenok.* **2**. Bir zadyň çeni, mukdary, möçberi; ölçegi. *Nahara duz atańda çakyny bilmeseň, ýa şor, ýa ýuwan bolýar* ("Edebiýat we sungat").

**ÇAKAN**, *syp.* **1**. Kirpikleri sary, çalymtyl-mawy gözli (at, ýaby barada). *Kä ýerde büdräp, kä ýerde sürşüp çakan at galyberdi* ("Görogly"). **2**. Oglana dakylýan at.

**ÇAKDANAŞA** [çakdana:şa], *syp.* Gereginden has köp, artyk, çendenaşa; gaty, juda. *Ol wagtlar onuň işi çakdanaşa kändi.*

**ÇAKDYRMAK**, *işl.* Çakmak işini birine etdirmek. *Ýumurtga çakdyrmak. Şänik çakdyrmak.*

**ÇAKGAN**, *syp.* Örän işjeň, çalt, tiz hereket edýän, çalt hereket etmäge ukyply, çalasyn. *Boluň-aýt, ýigitler, çakgan atyňyzy eýerläň* ("Görogly").

**ÇAKGANLYK**, *at.* Çalt hereketlilik, çalt hereket etmäge ukyplylyk, çalasynlyk. *Onuň çakganlygy, çalasynlygy asyl öz göwresine laýyk däldi* (B. Kerbabaýew).

**ÇAKGY**, *at.* Dili sapynyň içine eplenip ýapylýan we açylýan kiçijik pyçak.

**ÇAKJA**, *at.* Içine nas guýlup ýanyň bilen göterilýän dürli görnüşdäki nas gaby, nas guty, nas kädi. *Çakjany ot eýläp, burnuňa dykar, Zähmiňden döküler dişiň nas atan* (Magtymguly).

**ÇAKJAGUNDUZ** [çakjağunnuz], *at, ösüml.d.* Tohumyndan sürgi taýýarlanylýan ösümlik. *Bu gün bägüllere, täjihorazlara, çakjagunduzlara, gaýry-gaýry del güllere batyp bark urýan köçeleriň, ýanýodalaryň gyralarydyr aralaryny, seýilgählerimiziň gujaklaryny görmäge göz, aýtmaga söz gerek* ("Türkmenistan").

**ÇAKLAMA**, *iş ady*. **1**. Çaklamak ýagdaýy. **2**. *at.* Öz ýanyňdan edilýän çak, çen. *Derwezeleriň girip çykylýan ýerinde galdyrma köpri bolandyr diýen çaklamany hem orta atmak boljak* ("Watan").

**ÇAKLAMAK**, *işl.* Öz ýanyňdan çak etmek, çen etmek, güman etmek, çenlemek.

**ÇAKLAMAKLYK**, *iş ady*. Çaklamak ýagdaýy.

**ÇAKLANMAK**, *işl.* **1**. Çak edilmek, çen tutulmak. **2**. *göç.m.* Hyýallanmak, häzirlenmek; göwnüňe düwmek. *Gorkup, oglan gaçjak bolup çaklandy* (M. Seýidow).

**ÇAKLAŇ**, *syp.* Göwrümi we agramy boýunça uly bolmadyk, ykjam; tagaşykly. *Ol çaklaň gapyrjagy jübüsinden çykardy*.

**ÇAKLAŇLYK**, *at.* Göwrümi we agramy boýunça uly dällik, ykjamlyk. *Ol iň soňunda, öz göwresiniň çaklaňlygyna garaman orta çykdy* (B. Kerbabaýew).

**ÇAKLAŇRAK** [çaklaňyra:k], *syp.* Göwrüm, agram taýdan uly däl, ykjamrak, tagaşyklyrak; uly hem, kiçi hem däl. *Kenardaky çagalaryň nazarlary şeýle gözelligiň üstaşyry sähelçe saýgardýan çaklaňrak gämä gönügipdir* ("Türkmenistan"). *Çaklaňrak*

*garrygyz gawunyny elinde göterip, ol tiz dolanyp geldi* ("Türkmenistan").

**ÇAKLAÝYŞ**, *iş ady*. Çaklamak ýagdaýy.

**ÇAKMAK I**, *at*. **1**. Ot almak üçin demirden ýörite ýasalan we daşdan ybarat enjam, uçgun düşürýän gural. *Tokaýyň gyşaryp ýatan gury odunlaryndan getirip, çakmagyny çakyp ot ýakdy* ("Nejep oglan"). *Akpamyk çakmak bilen ot aljak bolýar welin, bolmaýar, naharam gijä galyp barýar* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. Ot açýan ýaragyň peşeňindäki misini ýarmak üçin gerek bolan bölegi. *Ol eýýäm pulemýotynyň çakmagyny çekip durdy* (H. Ysmaýylow).

◊ **Çakmak daşy** *ser.* **Çakmak 1.**

**ÇAKMAK II**, *işl*. **1**. Iňňesini sokmak, geçirmek, neşderini dürtmek (ary, ýylan, içýan we ş.m. hakda). *Suwuň ortasyna baranlarynda içýan gurbaganyň arkasyndan çakypdyr* ("Türkmen halk ertekileri"). *Seresap bol, ary çakaýmasyn*. **2**. Sürtüp ýakmak, kükürdi biri-birine sürtüp ýakmak, ot almak. *Otluçöp çakyp, çyranyň peltesini otlady* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Döwüp içindäki maddasyny, maňzyny we ş.m. almak; çykarmak. *Çagalar hezil edinişip hoz çakdylar.* **4**. *göç.m.* Birine bir zady şugullamak; aýtmasyz zatdan habardar etmek. **5**. *göç.m.* Assyrynlyk bilen birini awundyrmak, bir ýerini agyrtmak.

**ÇAKMAK III**, *at*. Haly we haly önümleriniň gyrasyna we käbir el işlerine salynýan dürli reňkli nagyş.

**ÇAKMAKDAŞ** [çakmakda:ş], *at*. Ot, uçgun almak üçin ulanylýan daşyň bir görnüşi. *Bu ýerde ýüzlerçe müň ýyllap adamlaryň ýaşandygyna Hazar deňziniň kenar ýakalaryndan, Jebel gowagyndan tapylan çakmakdaşdan ýasalan iş gurallary güwä geçýär* ("Türkmenistan").

**ÇAKMAKGÖL** [çakmakgö:l], *at*. Içindäki aýlawlary goşadan bolan çakmak nagşyna meňzeş göl.

**ÇAKMAKLYK**, *iş ady*. Çakmak (**I**, **II**) ýagdaýy.

**ÇAKNYŞDYRMAK**, *işl.,* **1**. Uruşdyrmak, garpyşdyrmak. **2**. *göç.m*. Iki we köp adamy tersleşdirmek, sözüni azaşdyrmak.

**ÇAKNYŞMA**, *iş ady*. **1**. Çaknyşmak ýagdaýy. **2**. *ser*. **Çaknyşyk**. *Ýaragly çaknyşmalar*.

**ÇAKNYŞMAK**, *işl.* **1**. Uruş etmek, uruşmak, garpyşmak. *Görogly garry Reýhan bilen Araz çaýynyň ýakasynda ilkinji gezek çaknyşýar* ("Görogly"). **2**. *göç.m.* Dawa, jenjel edişmek, sözüň azaşmak, pikiri, niýeti deň gelmän tersleşmek.

**ÇAKNYŞMAKLYK**, *iş ady*. Çaknyşmak ýagdaýy.

**ÇAKNYŞYK**, *at*. **1**. Uly bolmadyk uruş, söweş, iki taraplaýyn garpyşyk. *Biz ýaşuludan şol ýerlerde bolan çaknyşyklar hakda soraýarys* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *göç.m.* Özara dawa, jenjel, sözüň azaşma.

**ÇAKRAMAK** [çakyramak], *işl.* Gurap, agaryp başlamak, gurap kül reňkine öwrülmek (süňk hakynda). *Gyrgy uzakdan çakrap ugran etiň ysyny alýar.*

**ÇAKRYK** [çakyryk], *at, haýwanat d*. Boýny, aýagy uzyn, çal reňkli kiçiräk guş.

**ÇAKRYM** [çakyrym] **I**, *at*, *kön.s.* 1,07 km-e deň bolan uzynlyk ölçegi.

**ÇAKRYM** [çakyrym] **II**, *at.* Ýagty salýan zatlardan düşýän ýiti şöhle.

**ÇAKRYMLYK** [çakyrymlyk], *syp*. Çakryma deň (aralyk). *Iki çakrymlykda duran atlylar tüpeň sesini eşidip, olara bakan at goýdular* (B. Kerbabaýew).

**ÇAKSYZ**, *syp.* Çaky bolmadyk, çensiz, çendenaşa, örän. *Ol gelnine hem maşgalasyna çaksyz yhlasly adam.*

**ÇAKYLYK** [ça:kylyk], *at*. **1**. Gel diýip çagyryş, birini bir ýere çagyrmaklyk; mürähet. **2**. *göç. m.* Toý, oturylyşyk, üýşmeleň.

◊ **Çakylyk haty** öýlenmek, durmuşa çykmak, ogul toýuna we ş.m. toýa, üýşmeleňe çagyrylýan adamlara özleriniň atlary ýazylyp berilýän ýörite çagyryş haty.

**ÇAKYLYKÇY** [ça:kylykçy], *at.* Çagyrmak üçin iberilen, çakylyk habaryny ýetirýän adam.

**ÇAKYR I**, *at*. Üzüm suwundan taýýarlanan içgi, şerap.

**ÇAKYR II**, *syp*. Güne köýüp halys guran, agaran, küljerip pytrap başlan (süňk we ş.m. hakda). *Çakyry çykan garry ojarlaryndan ýykyp, alty-ýedi gujagy bir ýere üýşürdik.*

◊ **Çakyr aýaz** gury ýiti aýaz, içiňden-bagryňdan geçip barýan sowuk. *Irden ternawlardan sallandy buzlar, Dańdan çakyr aýaz syrdy gylyjyn* (Ý. Durdyýew). **Çakyr ses** ýiti çykýan, gulaga ýakymsyz ses, owazsyz ötgür ses.

**ÇAKYRTIKEN**, *at.* Pytanak tikenli ýere ýazylyp ösýän ösümlik.

**ÇAKYRYK**, *at*. Guş ady.

**ÇAKYŞ**, *iş ady*. Çakmak (**I**, **II**) ýagdaýy.

**ÇAKYŞDYRMAK**, *işl.* **1**. Iki we köp zady bir-birine degirmek, galtaşdyrmak. **2**. Biri-birine kakdyrmak, degirmek. *Ýeňiş, saglyk diläp onuň adyna, Çakyşdyrdyk al şeraply bulgury* (K. Gurbannepesow). **3**. Tohumyny gowulamak üçin ene goýny, ene maly başga tohumdan bolan goça, erkek mala höwre goýmak, çekmek.

**ÇAKYŞMAK**, *işl.* **1**. Pete-pet gelip, biri-birine urulmak, biri-birini galtamak. *Iki maşyn çakyşdy.* **2**. *göç.m.* Köp hasyly bir-birine degip durmak. *Garpyzlar çakyşyp ýatyr*. *Çakyşýar sansyz gozalar*.

**ÇAKYZA** [çaky:za], *at*. Wagtal-watal tutup duran güýçli kelle agyrysy. *Ýeri, Mätel, saňa näme boldy?– Kellämiň çakyzasy bardy, şol tutdy* ("Görogly").

**ÇAKYZALY** [çaky:zaly], *syp*. Çakyza keselli, çakyzasy bar bolan.

**ÇAL**, *at.* Aşyk oýnunyň bir görnüşi. *Bir gün olumdan goýunlary suwa ýakyp, alty adam bolup çal oýnaýarlar* ("Nesil").

**ÇAL** [ça:l] **I**, *syp.* Agymtyl we garamtyl solak reňk gatyşykly, kül reňkine meňzeş, agy köpräk, garasy azrak. *Käbir ýerlerden çal towşanlar turup, aýagaldygyna gaçyşyp, depeleriň aňyrsyna dolanýardylar* (A. Gowşudow).

**ÇAL** [ça:l] **II**, *at.* Ýaşy ortadan agan, saç-sakgaly çalaran, gartaşan adam.

**ÇAL** [ça:l] **III**, *at.* Düýe süýdi ýörite gor bilen turşadylyp taýýarlanýan önüm, içgi.

◊ **Çal tutmak** gor küýzede, gor küýze ýok ýerinde içi syrçaly ullakan pitide gorluk çalyň üstüne düýe süýdüni guýup, ýörite içgi taýýarlamak.

**ÇAL** [ça:l] **IV**, *syp.* Erşi syk däl, argajy gowşak kakylyp dokalan (mata hakda).

◊ **Çal beýni** heniz kemala gelmedik, akyly goýalyşmadyk, tejribesiz; ýaş-ýeleň. *Olar entek çal beýnidirler, durmuş olary taplar*.

**ÇALA**, *hal.* **1**. Azajyk, sähelçe; biraz. *Çala iňňildi eşidildi*. **2**. Az. *Men ondan çala gorkmandym*. **3**. Kynlyk bilen, zordan. *Şirinleriň howlusy igde agaçlaryň arasyndan çala görünýärdi* (N. Saryhanow).

◊ **Çala başy gowşan** hemme taraplaýyn gowşak, goram-gowşak. **Çala eşiden çatma ýykar**, **öte eşiden – öý** – bir zady doly eşitmän ýa-da anyk düşünmän, anyklaman başga birine nädogry habar bermek, eşiden gürrüňini bulaşdyryp aýtmak.

**ÇALA-ÇULA** [çala-çulo], *hal.* **1**. Doýa däl; ýarpy-ýalta, çala. *Ekinleri çala-çula suwarypdyrlar*. **2**. Ýeterliksiz, az-owlak, bolar-bolmaz, sähel. *Gaz bilen garyşyp ýanýan ojar odunyň eýýäm gara öýüň içine jana ýakymly ýylylyk berip ugrandygyna çala-çula begenmedik* ("Türkmenistan").

**ÇALAJA**, *hal.* Usullyk bilen, ýuwaşja, emaý bilen. *Uçara münmäge geçilýän ýerde nobata duran ýolagçylar çalaja keýtikläbrägede ýöreýän goja ýol berip, biraz yza çekildiler* ("Türkmenistan").

**ÇALAJAN** [çalaja:n], *syp.* **1**. Öljek-öljek bolup ýatan, haýallan, ölüm pellesinde bolan, çala demi gelýän. **2**. *göç.m.* Örän hor, arryk, itseň ýykyljak.

**ÇALAK-ÇULAK** [çalak-çulok], *hal.* **1**. Çala-çula; ýüzleý. *Ýeri çalak-çulak suwarmak.* **2**. Howlukmaç, gyssanmaç. *Polat çalak-çulak garbandy-da, gapdalyndaky sypalyň üstüne gyşardy* (A. Nazarow).

**ÇALAM-ÇAŞ** [çalam-ça:ş], *hal.* **1**. Bulam-bujar, akan-dökän, agdar-düňder. *Öýüň içi çalam-çaşdy*. **2**. Dyr-pytrak, duw-dagyn. *Şemal bir köwsarlap uraýsa, gara öýi çalam-çaş edip, bir tarapa zyňyp goýberjek* (A. Gowşudow).

◊ **Çalam-çaş bolmak** aljyraňňy ýagdaýa düşmek, özüňi ýitirmek, çaşmak ýagdaýyna düşmek. *Şiriniň mugallymasyna ejesiniň gözleri düşende özüni ýitirip çalam-çaş boldy* (N. Saryhanow).

**ÇALAMÜNDER** [çalamünnör], *at.* Çagalaryň biri aşakda galyp, beýlekileri üstüne münüp oýnaýan oýny.

**ÇALAMYDAR** [çalamyda:r], *syp.* **1**. Güzeranyny zordan aýlaýan, mydary, oňşugy zordan geçýän. **2**. Çala başy gowşan, gowşak, berk däl.

**ÇALARMA** [ça:larma], *iş ady*. Çalarmak ýagdaýy.

**ÇALARMAK** [ça:larmak], *işl.* **1**. Çal bolup başlamak, çal öwüsmek, çal reňke öwrülmek. *Dury asman howur golaýlaşdygyça, gök reňkini ýitirip, kem-kemden çalaryp barýardy* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Saç-sakgalyň agaryp başlamak, gartaşyp başlamak.

**ÇALARMAKLYK** [ça:larmaklyk], *iş ady*. Çalarmak ýagdaýy.

**ÇALARTMAK** [ça:lartmak], *işl.* Çal reňke öwürmek, çal reňke boýamak.

**ÇALARYŞ** [ça:laryş], *iş ady*. Çalarmak ýagdaýy.

**ÇALARYŞMAK** [ça:laryşmak], *işl.* Birneme çalarmak.; kem-kemden çalarmak, çalaryp başlamak. *Onuň saçlaram çalaryşyp başlapdyr*.

**ÇALASOWAT** [çalasowot], *syp.* Sowady az, az sowatly, sowady ýeterlik bolmadyk.

**ÇALASOWATLYK** [çalasowotluk], *at.* Az sowatlylyk, gowy okap, ýazyp bilmezlik, sowady ýeterlik dällik.

**ÇALASYN**, *syp.* Çalt, tiz hereket edýän, çakgan. *Durşuna aklyga öwrülip oturan at gaýtarym atyzlaryň ho-ol aňry çeträklerinde pagta ýygyp ýören ýer eýeleriniň elleriniň çalasyn hereketleri bu günüň hem netijeli boljakdygyna kepil geçýärdi* ("Türkmenistan").

**ÇALASYNLYK**, *at.* Çalt, tiz hereket edijilik, çakganlyk.

**ÇALAW** [çalow], *at.* Köplenç, bir zady susup almak üçin ulanylýan demir ýa-da agaç saply esbap, susguç. *Ýetginjek müýnli ýaly bolup, ylgap tezek aýyrýan çalawyny hem sübsesini alyp işe girişdi* (A. Gowşudow).

**ÇALÇA** [ça:lça], *at.* Ak, gara zolakly, elde gowşagrak, çal dokalan, irimçik matadan tikilen gap. *Ol iç işikde durdy-da, çalçalary dula oklap goýberdi* (A. Durdyýew).

**ÇAL-ÇAPYR**, *at, gepl.d.* Çal, agaranyň umumy ady. *Çagalaram indi bol bolansoň, çal-çapyrdan doýnuşypdyr.*

**ÇALÇORBA** [ça:lço:rvo], *at.* Süzmeden edilen çalyň içine sogan, sarymsak, hyýar, pomidor we ş.m. dogralyp taýýarlanylýan nahar, iýmit.

**ÇALDYGOÝDY** [çallyğoýdy], *syp.* Ugursyzrak, ugur-utgasy ýograk, serseňňiräk, durnuksyz. *Çaldygoýdy adam*.

**ÇALDYRMAK** [çallyrmak], *işl.* Çalmak işini amala aşyrtmak, çalmagy berjaý etdirmek. *Dutar çaldyrmak.*

**ÇALGY** [çalğy], *at.* Keseri egri, uzyn saply ot ýatyrylýan gural, maňňal. *Çalgy, dyrmyk, palta diýen ýaly gurallary aldyk.*

◊ **Çalgy daş** pyçak, çalgy we ş.m. ýiteltmekde ulanylýan daş. **Çalgy saçak** gorly küle gömülip bişirilýän çöregiň külüni kakmak we gapak ýaly zatlary süpürmek üçin ulanylýan uzyn seçekli kesindi. *Çalgy saçak gulaç, dolak ýaly zatlar dokalanda kesilip alynýar.*

**ÇALGYLAMA** [çalğylama], *iş ady*. Çalgylamak ýagdaýy. *Ýorunjanyň çalgylama möwsümi geldi.*

**ÇALGYLAMAK** [çalğylamak], *işl.* **1**. Çalgy bilen ot ýatyrmak, çalgy bilen ormak. *Biz ot çalgylamaga gitdik.* **2**. Çalgy daş ýa-da ige bilen piliň, pyçagyň, paltanyň we ş.m. ýüzüni ýiteltmek.

**ÇALGYLAMAKLYK** [çalğylamaklyk], *iş ady*. Çalgylamak ýagdaýy.

**ÇALGYLANMAK** [çalğylanmak], *işl.* Biri tarapyndan çalgy bilen ot ýatyrylmak. *Ýorunja çalgylandy.*

**ÇALGYLAŞDYRMAK** [çalğylaşdyrmak], *işl.* Çalgy bilen ot ýatyryşdyrmak, çalgylap çykmak.

**ÇALGYLAŞMAK** [çalğylaşmak], *işl.* Çalgy bilen ot ýatyrmaga kömekleşmek. *Ot çalgylaşmak.*

**ÇALGYLATDYRMAK** [çalğylatdyrmak], *işl.* Birine çalgy bilen ot ýatyrtmak. *Bedelik ot çalgylatdyrmak.*

**ÇALGYLATMAK** [çalğylatmak], *işl.* Çalgy bilen ot, ýorunja ýatyrmagy birine etdirmek. *Ýorunjany çalgylatmak.*

**ÇALGYLAÝYŞ** [çalğylaýyş], *iş ady*. Çalgylamak ýagdaýy.

**ÇALGYR** [çalğyr], *syp.* **1**. Saz guralyny gowy çalyp bilýän, ökde çalýan. *Çalgyr sazanda.* **2**. Gowy, ýakymly owaz, ses çykarýan (saz gurallary hakda). *Çalgyr tüýdük.*

**ÇALGYRLYK** [çalğyrlyk], *at.* **1**. Gowy, ýakymly owaz, ses çykaryjylyk. **2**. Çalmaga ezberlik.

**ÇALGYRT** [çalğyrt], *hal.* Öz ene dilinde geplemeýän adamyň sözleýşinde ýüze çykýan aýdylyş aýratynlyklary. – *Türkmenler şu jaýdamy?* – *diýip, özüniň çalgyrt dili bilen bir hili heňde gürledi* (A. Gowşudow).

**ÇALJARMAK** [ça:ljarmak], *işl.* Çal bolup görünmek, çal öwüsmek, çal reňke meňzemek. *Onuň saçlary çaljaryp başlapdyr.*

**ÇALKAMA**, *at.* Mäşe un garylyp bişirilýän suwuk nahar. *Çalkama bişirişmek.*

**ÇALKAMALYK**, *syp.* Çalkama bişirmek üçin taýýarlanan, çalkama etmäge niýetlenen. *Çalkamalyk mäş.*

**ÇALLYK** [ça:llyk] **I**, *at.* Çal bolmaklyk; çal reňklilik.

**ÇALLYK** [ça:llyk] **II**, *syp.* Çal tutmak üçin gerek bolan; çal üçin niýetlenen. *Biz onuň maňlaýynda çallyk geçi hantama däl* ("Görogly").

**ÇALLYK** [ça:llyk] **III**, *at.* Saç-sakgalyň çalaryp gartaşan halda bolmaklyk, çal ýaşdalyk.

**ÇALLYK** [ça:llyk] **IV**, *at.* Syk dällik, argajy gowşak kakylyp dokalan matanyň ýagdaýy, süzgeklik, çala dokalanlyk.

**ÇALMA I**, *at.* **1**. Kellä oralýan uzyn bölek mata, selle. *Bir bölek matadan başyna çalma oranyp, sakgal-saçynyň köpüsinden çal giren, garaýagyz türk daýhany biziň bilen salamlaşýar* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *gepl.d.* Hasa.

**ÇALMA II**, *iş ady*. Çalmak ýagdaýy.

◊ **Çalma kädi** togalak çalma meňzeş ak kädi.

**ÇALMAK**, *işl.* **1**. Pyçagyň, gyrkylygyň, gaýçynyň we ş.m. tygyny, ýüzüni çalgy daşa süýkäp ýiteltmek. *Myratgeldi öýe girdi-de pyçagyny alyp çykdy hem gapyda ýatan çalgy daşyna çalmaga başlady* (A. Gowşudow). **2**. Saz guralynda bir heňi ýerine ýetirmek, saz etmek. *Goja sazanda iki bükülişine, elini başyndan aýlap-aýlap saz çalýar* ("Türkmenistan"). **3**. Urmak, kakmak. *Soň atyna bir gamçy çaldy-da, ýoluna gitdi* (B. Gurbanow). **4**. Suwuklyk bilen bir zadyň ýüzüni, üstüni örtmek, reňklemek. *Gaşlaryna goýy hyna çalypdyr* (B. Seýtäkow). **5**. Malyň bogazyny, damagyny kesmek, öldürmek. **6**. Epläp gysdyrmak, oramak, ildirmek. *Egnindäki düýe ýüňünden dokalan çogda çäkmeniniň iki syýyny çalyp, biline saran ak biz guşagyna gysdyryşdyrdy* (A. Gowşudow). **7**. *zergärç*. Simaba garylan gyzyly ýerligi kümüşden bolan şaýyň ýüzüne biz kysmy mala bilen endigan ýazmak. *Zergär altyny eredip, halkanyň ýüzüne çalyp çykdy*. **8**. Süpürmek, sylmak, çalgylamak. *Gündizler gelip gidemde, Sübse çalardym yzyma* (Ç. Aşyr). *Deriňi çalma!*

**ÇALMAR**, *at.* Çopanlaryň daşyna çöp aýlap oturýan düşelgesi, pürli agaçlardan edilen aýmança. *Çalmaryň ortasyndaky ojagyň ody köz bolup galdy* ("Edebiýat we sungat").

**ÇALMARLYK**, *syp.* Çalmar etmäge ýaraýan, çalmar üçin niýetlenen. *Çalmarlyk sözenler.*

**ÇALMESEK** [ça:lmesek], *at.* Çalymtyl, togalak gawun.

**ÇALPAW** [çalpow], *at.* Suw ýygnanyp, içinde çaýyr, gamyş we ş.m. gögerip oturan batga bolup ýatan ýer.

**ÇALPAWLAŞMAK** [çalpowloşmok], *işl.* Çalpawa öwrülmek; batgalyga öwrülip ugramak.

**ÇALPAWLYK** [çalpowluk], *at.* Suw toplanan batga ýerler, suwuň ýygnanan ýerleri; çalpawyň köp ýeri.

**ÇALRAK** [ça:lyra:k], *syp*. Reňki çala ýakyn; beýlekä görä has çal reňkli.

**ÇALSOWULT** [ça:lsowult], *syp*. Çal öwüsýän, çalymtyl, çala ýakyn (reňk). *Çalsowult köýnek*.

**ÇALSYRKYN** [ça:lsyrkyn], *at, ösüml.d.* Boýy 80-100 sm-e ýetýän birýyllyk otjumak, ýabany ösümlik.

**ÇALŞYK**, *at*. **1**. Bir zadyň ornuny ikinji bir zat eýelemeklik; gezek. *Nobatçylyk çalşygy gelip ýetdi* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Ters, nädogry. *Ýolumyz çalşyk düşüpdir.*

**ÇALŞYLMAK**, *işl*. **1**. Bir zadyň ýerine başga bir zat alynmak. *Köne kagyzlar kitaba çalşyldy.* **2**. Bir işi ýerine ýetirmek üçin jan etmek, gaýrat etmek. *Işi ertire çenli gutarmak üçin çalşylýar.*

**ÇALŞYRGYÇ** [çalşy:rğyç], *at*. Bir geýimiň deregine çalşyryp geýmek üçin goýlan geýim, çalşarlyk eşik.

**ÇALŞYRLYK** [çalşy:rlyk], *at, ser*. **Çalşyrgyç**.

**ÇALŞYRMA**, *iş ady*. Çalşyrmak ýagdaýy.

**ÇALŞYRMAK**, *işl*. **1**. Biriniň ýa-da bir zadyň deregine, ornuna, birini ýa-da bir zady goýmak, täzelemek. *Jerime berlen oýunçyny çalşyrmak. Zawodyň könelişen enjamlaryny çalşyrmak*. **2**. Bir geýimi çykaryp, ýerine başga geýim geýmek, geýimiňi täzelemek. *Ol geýimlerini çalşyrdy*. **3**. Bir zady başga hili atlandyrmak, üýtgetmek. *Ol kärhananyň adyny çalşyrdy*. **4**. Bir zady başga bir zadyň üstüne atmak, üstüne goýmak. *Ol oturan ýerinden aýaklaryny biri-biriniň üstüne çalşyrdy.* **5**. Birine meňzetmek, tanyş biridir öýtmek. *Siz meni başga biri bilen çalşyrýarsyňyz.* **6**. Bir bölegini boýuna, beýleki bölegini inine gezekleşdirip goýmak; *Tagtalary çalşyryp basmak.*

◊ **Çalşyryp ekmek** gezekleşdirip ekmek, ýerlerini üýtgedip ekmek.

**ÇALŞYRTMAK**, *işl.* Çalşyrmak işini başga birine etdirmek.

**ÇALŞYRYLMAK**, *işl.* **1**. Başga biri tarapyndan üýtgedilmek, bir zada derek beýlekisi goýulmak. *Maşynyň şaýy çalşyryldy*. **2**. Elleriňi bir-biriniň üstünde goýup tutmak. *Olar çalşyrylan elleriniň üstünde ýaralyny göterip, emaý bilen ädim urdular* (B. Kerbabaýew).

**ÇALŞYRYNMAK**, *işl.* Egin-eşigiňi üýtgetmek, başgasyny geýmek.

**ÇALŞYRYŞ**, *iş ady*. Çalşyrmak ýagdaýy.

**ÇALT**, *hal.* Tiz, çalasyn, basym, dessine. *Keýpi kök adamlar örän seýrek keselleýär, keselläýseler hem çalt sagalýar* ("Türkmenistan").

**ÇALT-ÇALT**, *hal.* Tiz-tiz, basym-basym, çaltlyk bilen. *Ol çalt-çalt ýöräp gitdi*.

**ÇALTLANDYRMAK** [çaltlannyrmak], *işl.* Nämedir bir zadyň hereketini, gidişini tizleşdirmek, çaltlaşdyrmak. *Işi çaltlandyrmak*.

**ÇALTLANDYRYLMAK** [çaltlannyrylmak], *işl.* Biri tarapyndan çalt hereket etdirilmek; çalt ýagdaýa getirilmek. *Önümçiligiň öňde baryjylary ýaşlara zähmetiň çaltlandyrylan usulyny öwredýärler*.

**ÇALTLANMA**, *iş ady*. Çaltlanmak ýagdaýy.

**ÇALTLANMAK**, *işl.* Tizligi artmak, tizleşmek; çalt ýagdaýa geçmek. *Dura-bara işiň depgini çaltlanyp başlady.*

**ÇALTLANMAKLYK**, *iş ady*. Çaltlanmak ýagdaýy.

**ÇALTLANYŞ**, *iş ady*. Çaltlanmak ýagdaýy.

**ÇALTLAŞDYRMAK**, *işl.* Birneme çaltlandyrmak, depginini birneme güýçlendirmek. *Meňli indi galan işleri çaltlaşdyrmak bilen boldy* (A. Gowşudow).

**ÇALTLAŞMAK**, *işl.* Birneme çaltlanmak, depgini birneme güýçlenmek, tizleşmek. *Işiň gidişi ep-esli çaltlaşdy.*

**ÇALTLYK**, *at*. Çalasynlyk, tizlik, çakganlyk. *Ol bu işleri çaltlyk bilen berjaý etdi* (A. Gowşudow).

**ÇALY**, *at*. **1**. Çerkeziň bir görnüşi. **2**. Oglana dakylýan at.

**ÇALY-ÇERKEZ**, *at*. Çaly hem çerkez ösümlikleri. *Käbir ýerlerde çaly-çerkez, sazakdyr selin, sözen ösüp otyr.*

**ÇALY-ÇETI**, *at*. Çaly hem çeti ösümlikleri.

**ÇALYGYŞMAK** [çalyğyşmak], *işl.* Kem-kemden guramak, birneme guraşmak, çalykmak. *Serlen geýimler çalygyşyp başlapdyr*.

**ÇALYJY**, *at*. Sazanda, saz çalýan adam.

**ÇALYJYLYK**, *at.* Saz çalyjynyň käri.

**ÇALYKDYRMAK**, *işl.* Öl zady güneşe, şemala serip birneme guratmak, kepdirmek, suwuny sarkdyrmak. *Günbatardan öwüsýän şemal ýeri ýetişdiginden çalykdyrýardy* (H. Derýaýew). *Dolaklarynyň derini çalykdyryp ýaňadan dolanýardylar* (A. Nazarow).

**ÇALYKMAK**, *işl.* Birneme guramak, guraňkyrlamak, kepemek. *Ýakynda düşen gar eräp, ýer mazaly çalygypdy* ("Edebiýat we sungat").

**ÇALYKMAKLYK**, *iş ady.* Çalykmak ýagdaýy.

**ÇALYM: çalym etmek** bir zada, birine biraz meňzemek, keşbi, görnüşi, sudury meňzeş bolmak. *Ol jümleler ýöne bir gürrüň däl-de, göwher monjuklaryna çalym edýär* ("Türkmenistan").

**ÇALYMDAŞ**, *syp*. Biri-birine birneme meňzeş, birine ýa-da bir zada birazrak çalym edýän. *Çigildem gülüniň reňkine çalymdaş köýnekli gyz sahna çykýar* ("Edebiýat we sungat").

**ÇALYMDAŞLYK**, *at*. Biri-birine birneme meňzeşlik, birine, bir zada birazrak çalym etmeklik.

**ÇALYMTYK** [ça:lymtyk], *syp*. Çal reňke golaý, kül reňkine meňzeşräk. *Asmandaky çalymtyk bulutlar bireýýäm syrylyp gidipdi* (N. Pomma).

**ÇALYNDYRMAK** [çalynnyrmak], *işl.* **1**. Örän gowy gördürmek, özüne garatmak, ýesir etmek, çalnyp ýatar ýaly etmek. *Çarygyna bak, çarygyna, Çalyndyrar gyzlary* (Halk döredijiliginden). **2**. Gaty urup çabalandyrmak.

**ÇALYNMAK**, *işl.***1**. Pyçagyň, gyrkylygyň, gaýçynyň we ş.m. tygy, ýüzi çalgy daşa sürtülip ýiteldilmek. *Çalnan pyçak ýalaw ýaly boldy.* **2**. Saz guralynda bir heň ýerine ýetirilmek. *Toýda halk sazlary çalyndy*. **3**. Urmak, kakmak. *Ata bir gamçy çalnandan ol hereketini gataltdy*. **4**. Suwuklyk bilen bir zadyň ýüzi, üsti örtulmek; reňklenmek. *Hyna çalynmak*. **5**. Malyň damagy kesilip öldürilmek. **6.** Süpürilmek. Tamyň içine sübse çalynmak. **7**. *göç.m.* Öz-özi urunmak, çabalanmak. *Ol agyrysyna çydaman, çalnyp ýatyrdy.*

**ÇALYŞDYRMAK**, *işl.* **1**. Reňk we ş.m. zatlar çalyp çykmak, hemmesini çalmak. *Derwezä reňk çalyşdyrmak.* **2**. Süpürişdirmek. *Içerini çalyşdyrmak*. **3**. Birnäçe maly öldürmek, soýup çykmak. *Möjek dalan goýunlaryň damagyny çalyşdyrmak*.

**ÇALYŞMA**, *iş ady*. **1**. Çalyşmak ýagdaýy. **2**. *dil b.* Esasan, atlaryň, sanlaryň, sypatlaryň deregine ulanylýan söz topary. *Çalyşmalar barada ylmy iş ýazyldy*.

**ÇALYŞMAK I**, *işl*. **1**. Bir zadyň deregine ikinji bir zady berip başa-baş ýa-da üste berip alyşmak; deregine derek almak. *Bar, näme bilen çalşan bolsaň, getir, göreýin.* **2**. Gezekleşmek, ornuňy alyşmak. *Nobatçylary çalyşmak*. **3**. Öňkini üýtgetmek, öňkiň ýerine başgasyny goýmak. **4**. Çolaşmak. *Ol aýaklary çalşyp ýykylýardy*.

**ÇALYŞMAK II**, *işl*. Bir zadyň ugrunda jan çekmek, jan etmek; gaýrat etmek, dyrjaşmak. *Atyzlarda hasyl kändi, ony bir günem bolsa öň ýygnamaga çalyşmalydy* ("Türkmenistan").

**ÇAMALAK**, **çamalagy çaşmak** derbi-dagyn bolmak, wes-weýran bolmak, duw-dagyn bolmak, dagamak.

**ÇAMAN**, *syp*. **1**. Ýüwrük däl, haýal ýöreýän, ýaramaz çapýan (at we ş.m. hakynda). *Jaý ýerinde, gaýra galsa garrydar, goç ýigidiň aty çaman ýoluksa* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Çalasyn hereket edip bilmeýän, haýal-ýagal hereket edýän; haýal. *Ilde çaman hem kän, ýyndam hem* (B. Kerbabaýew). **3**. Oglana dakylýan at.

**ÇAMANLYK**, *at*. **1**. Ýyndam dällik, ýaramaz çapmaklyk (at we ş.m. hakynda). *Aslyna tartadyr ýüwrük, çamanlyk, Ýüwrügi çamanga çatyjy bolma* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Haýal hereket edijilik, çalasyn dällik. *Çamanlygmy duýýaryn, tijenerin ýöne men* (B. Hudaýnazarow).

**ÇAMMAL**, *at, deňizç*. Bogaldagyň düýbündäki ýelkeniň bagy, ýüpi dartylyp daňlan demir halka.

**ÇAN** [ça:n], *at*. **1**. Suw we beýleki suwuk önümleri saklamak üçin äpet demir gap. **2**. Çakyr kärhanalarynda çakyr guýmak ýa-da gök önümleri turşa ýatyrmak üçin ulanylýan ullakan çelek. **3**. Gäminiň, gaýygyň içi.

**ÇANAK** [ça:nak], *at.* **1.** Ullakan agaç tabak. **2**. *at. lukmanç*. Kelleçanak, beýniçanak.

◊ **Beýni çanak** beýnisi bekemek, aň-düşünjesi, akyly ösmek.

**ÇANAKDAŞ** [ça:nakdaş], *at.* Bir çanakdan nahar iýýänler, tabakdaş.

**ÇANAKLAMA** [ça:naklama], *iş ady*. Çanaklamak ýagdaýy.

**ÇANAKLAMAK** [ça:naklamak], *işl.* Çanaga guýup bermek ýa-da almak, çanak bilen ölçemek. *Çemçeläp ýygnanyňy çanaklap dökme* (Nakyl).

**ÇANAKLAMAKLYK** [ça:naklamaklyk], *iş ady*. Çanaklamak ýagdaýy.

**ÇANAKLANMAK** [ça:naklanmak], *işl.* Çanak bilen ölçelmek.

**ÇANAKLATDYRMAK** [ça:naklatdyrmak], *işl*. Çanak bilen ölçetdirmek.

**ÇANAKLATMAK** [ça:naklatmak], *işl.* Çanak bilen ölçetmek, daşatmak.

**ÇANAKLAÝYŞ** [ça:naklaýyş], *iş ady*. Çanaklamak ýagdaýy.

**ÇANAKLYK** [ça:naklyk], **1**. *syp*. Çanak ýasar ýaly, çanak ýasamak üçin ýaramly bolan. *Çanaklyk agaç.* **2**. *at, anat.* Dyzçanagyň ýerleşýän ýeri. *Meniň çanaklygym agyrýar*.

**ÇAŇ**, *at*. Howada gaýmalaşýan tozan bölejikleri, tozan kirşeni, toz. *Ol elindäki zatlaryny ýerde goýup gara papagynyň çaňyny kakyşdyrdy* (A. Gowşudow).

◊ **Çaňy çykmazlyk** edeni ugruna bolmazlyk. *Ýekäniň çaňy çykmaz* (Nakyl). **Çaňyna garylmak** yza galmak (at çapyşygynda). **Çaňyny kakmak** **1.** işden, gulluk wezipesinden we ş.m. kowmak, boşadyp goýbermek. **2.** mazaly urup horlamak, ýençmek. *Ol ele düşen bolsa, onda onuň çaňyny mazaly kakandyrlyr*.

**ÇAŇAMA**, *iş ady.* Çaňamak ýagdaýy.

**ÇAŇAMAK**, *işl*. Tozap durmak, tozap ýatmak, tozan turmak. *Öňler bu ýerler ýöne çaňap ýatan meýdandy* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Çaňap barmak** tozan turzup tiz, çalt hereket etmek.

**ÇAŇAMAKLYK**, *iş ady*. Çaňamak ýagdaýy.

**ÇAŇATMAK**, *işl*. **1**. Çaň etmek, çaň emele getirmek, tozatmak. *Daşaryny çaňadyp süpürmek.* **2**. *göç.m.* Esasy gürrüňden uzaklaşmak, gepi-gürrüňi daşdan aýlamak. *Sen nireleri çaňadyp ýörsüň?*

**ÇAŇAÝYŞ**, *iş ady*. Çaňamak ýagdaýy.

**ÇAŇJARMA**, *iş ady*. Çaňjarmak ýagdaýy.

**ÇAŇJARMAK**, *işl*. **1**. Çaň zerarly dumanlap, çaňap durmak, dury däl-de, öňüni tozan tutan ýaly görünmek. *Molaşyp gelýän sygyrlaryň tozany bilen Günüň öňi*

*çaňjaryp görünýärdi* (B. Kerbabaýew). **2**. Çaň bilen çala örtülmek, çaň basmak, çaň urmak, tot örtmek. *Olaryň ýüzi ýadawlykdan çaňjaryp, garört bolup görünýärdi.*

**ÇAŇJARMAKLYK**, *iş ady*. Çaňjarmak ýagdaýy.

**ÇAŇJARTMAK**, *işl.* Çaň siňdirmek, çaňa basdyrmak. *Onýança Myrat üstüni-başyny çaňjardyp, öýe girdi* (A. Durdyýew).

**ÇAŇJARYŞ**, *iş ady*. Çaňjarmak ýagdaýy.

**ÇAŇJYMAK**, *syp*. Çaňjaryp duran, tot örten, az-owlak çaň gatanjy bar bolan. *Çaňjymak howa.*

**ÇAŇLAMAK**, *işl.* Çaň bilen örtülmek, çaň emele gelmek, çaň basmak. *Üzümler çaňlapdyr. Bu gün howa çaňlap dur*.

**ÇAŇLY**, **1**. *syp*. Çaňjaryp duran, tozan bilen örtülen. *Çaňly howa*. *Çaňly gumak ýol*. **2**. *at*. Oglana dakylýan at.

**ÇAŇŇA**, *at*. **1**. *zergärç*. Çaprazyň aşagyndan asylýan pişme şekilli bezeg şaýy. **2**. Kürtä, aýal geýimine salynýan topbak-topbak nagyş. **3**. Bir ujy halkaly, ikinji tarapy üç ýa-da dört sany gaýtarylan dişe bölünen labyra meňzeş enjam, gaňtarylan ilgençekli gural. *Gapynyň ujy çaňňalydy*.

**ÇAŇŇAL**, *at, gepl. d., ser*. **Çeňňel 1**, **2**. *Haýsy zat göwnüne ýarasa-halwamy, üzümmi, gant-nabatmy, urardy çaňňaly* ("Görogly"). *Elkyssa, Hemra ol gelne bir ýüzük bilen bir ýaglyk berdi, Ýene bir çaňňal zer berdi* ("Saýatly – Hemra").

**ÇAŇŇALAK**, *at*. **1**. Içinden pagtasy alnan gozanyň gabygy. *Pagta hanalaryny birinji gezek çaňňalakdan sogrup alanda, ejesiniň sözi ýadyna düşdi* (B. Gurbanow). **2**. Balykgulak. *Deňziň kenarynda çaňňalaklar we ownuk daşlar çaşyp ýatyr.* **3**. Çaý (guş). *Günlerde bir gün aç çaňňalak gelip, syçany tutup, al-asmana galan* ("Türkmen halk ertekileri"). *Çaý, çaý, çaňnalak, Beren gyzyň aňňalak* (Sanawaç).

**ÇAP**, *at*. **1**. Çaphanada ýygnalan harplaryň alnan nusgasy. *Kitap çap etmek. Kitap çapdan çykdy.* **2**. *deňizç.* Küregiň uzyn saply görnüşi.

**ÇAPADY**, *at*. Aldyrylan hamyrdan tegelek, ýukarak ýaýylyp ýagda bişirilen çöregiň görnüşi.

◊ **Çapady ýaly (dek) gyzarmak** utanjyňdan ýa-da gahardan ýaňa ýüzüň çym-gyzyl bolmak, güýçli duýgynyň täsiri bilen ganyň ýüzüňe urmak. *Ýüzi çapady ýaly gyzardy*.

**ÇAPAGAN** [çapağan], *syp., gepl. d., ser.* **Çapgyr 1**. *Çapagan ýaby.*

**ÇAPAK I**, *at*. Iki eliň iç ýüzi biri-birine urlup edilýän hereket.

◊ **Çapak çalmak** el çarpmak. *Oturanlar aýdymy gaýtalatjak bolup çapak çaldylar* ("Edebiýat we sungat").

**ÇAPAK II**, *at*. Zagara balyklar maşgalasyndan bolan deňiz balygy. *Olar haçan töp, takgaz, çapak ibererkäler diýip, agyzlaryny açyşyp ýatmadylar* ("Edebiýat we sungat").

**ÇAPAK-ÇAPAK**, *at*. Kiçijik çaga ellerini çarpdyrmak üçin ýüzlenip aýdylýan söz. *Çapak-çapak elleri, agyrmasyn gollary* (Halk döredijiliginden).

**ÇAPAN**, *at*. Gyş möwsüminde geýmek üçin irimçik ýüpden dokalan daşky geýim, eşik.

**ÇAPAR**, *at*. Habar ýetirmek üçin ýörite iberilýän atly habarçy. *Olar hat salnan bukjany çapara berip, şahyň eline gowşurmagy buýurdylar* ("Güneş").

**ÇAPARMAN**, *syp*. **1**. *ser*. **Çapgyr**. *Atylan ok ýaly barar her kanda, Çaparman, gyl boýun mallar munda bar* (Mätäji). **2**. Gylyç işletmäge ökde, gylyç bilen çapmaga ökde. *Çaparman algyr ýigidi, Ahyr galla harap eder* (Seýdi).

**ÇAPARMANÇYLYK**, *at.* Gylyç işletmäge zorluk, gylyç bilen çapmaga ökdelik, kelle keserlik, alamançylyk. *Atarmançylykda, çaparmançylykda hiç deňi-taýy ýok* ("Görogly").

**ÇAPAWUL**, *at*, *taryh*. **1**. Maslahat, ýaraşyk we ş.m. üçin iberilýän adam, wekil. *Çapawul atyndan düşdi*. **2**. Talaňçylyk bilen meşgul bolýan, talaňçy.

**ÇAPAWULÇYLYK** [çapawulçuluk], *at*, *taryh*. Biriniň emlägini, mal-garasyny zor bilen almak maksady bilen geçirilýän talaň, talaňçylyk, çapawullyk.

**ÇAPAWULLAMA** [çapawullomo], *iş ady, taryh*. Çapawullamak ýagdaýy.

**ÇAPAWULLAMAK** [çapawullomok], *işl, taryh*. Çapawulçylyk etmek, talaňçylyk bilen meşgul bolmak, talamak. *Bir çetinden çapawullap gaýt!* ("Görogly").

**ÇAPAWULLAMAKLYK** [çapawullomokluk], *iş ady, taryh*. Çapawullamak ýagdaýy.

**ÇAPAWULLANMAK** [çapawullonmok], *işl, taryh*. Biri tarapyndan talaňa sezewar edilmek, talanmak.

**ÇAPAWULLATMAK** [çapawullotmok], *işl, taryh.* Başga birine talatmak, talaňa sezewar bolmak.

**ÇAPAWULLAÝYŞ** [çapawulloýuş], *iş ady, taryh*. Çapawullamak ýagdaýy.

**ÇAPAWULLYK** [çapawulluk], *at, taryh.* Çapawulçylyk etmeklik, talaňçylyk. *Ol wagtlar çapawullyk edip ýörenler bardy*.

**ÇAPÇEKER**, *at, deňizç.* Kürek gaýygyň gyrasyndan taýyp gitmez ýaly dürli görnüşde ýasalan daýanç.

**ÇAPÇY**, *at, ser*. **Çaphanaçy**.

**ÇAPDYRMA I**, *iş ady*. Çapdyrmak ýagdaýy. *Onuň at çapdyrmasy toýa bezeg berýärdi.*

**ÇAPDYRMA II**, *iş ady*. Çapdyrmak ýagdaýy. *Ol ýoldaşlaryna odun çapdyrmagy tabşyrdy.*

**ÇAPDYRMAK I**, *işl.* Aýagaldygyna ylgatmak, ýüwürtmek. *Ol atyny obanyň orruk-ortarasyndan çapdyryp geçdi*.

**ÇAPDYRMAK II**, *işl*. Birine bir zady kesdirmek, bölekletmek, aýyrtmak. *Odun çapdyrmak*.

**ÇAPDYRMAKLYK**, *iş ady*. Çapdyrmak ýagdaýy.

**ÇAPGY I**, *at*. Et çapmak, ot kerçemek üçin ulanylýan palta meňzeş gural, enjam, çapgyç. *Eliňe çapgyny al.*

◊ **Çapgy ýassygy** üstünde et çapmak üçin ýogyn agajyň bölegi, ýasy agaç. *Iki ýa üç arka aýlanýan palasyň erňekleri gemrilen bolsa, göwresi çapgy ýassygy ýaly kertim-kertimdi* (B. Kerbabaýew). **Çapgy ýassygy ýaly** ýogyn (adamyň boýny hakynda).

**ÇAPGY II**, *at, ser*. **Çapyşyk**.

**ÇAPGYLYK**, *syp*. Çapgy etmäge ýaramly, çapgyç üçin niýetlenen. *Çapgylyk tut agajy.*

**ÇAPGYÇ**, *at, ser*. **Çapgy**. *Palajyň hemmesini çapgyç bilen kerçedi*.

**ÇAPGYLAMA**, *iş ady*. Çapgylamak ýagdaýy.

**ÇAPGYLAMAK**, *işl*. Çapgy bilen çapmak, kerçemek. *Ýorunjany çapgylamak.*

**ÇAPGYLAMAKLYK**, *iş ady*. Çapgylamak ýagdaýy.

**ÇAPGYLAŞDYRMAK**, *işl*. Çapgy bilen çapyşdyryp, kerçeşdirip çykmak, gezek-gezegine, yzly-yzyna kerçeşdirmek.

**ÇAPGYLAŞMAK**, *işl*. Çapmaga, kertmäge kömekleşmek. *Eti çapgylaşmak.*

**ÇAPGYLAÝYŞ**, *iş ady*. Çapgylamak ýagdaýy. *Onuň ýorunja bedäni çapgylaýşy göwnümden turdy.*

**ÇAPGYLATDYRMAK**, *işl*. Birine çapgy bilen kerçetmek, çapdyrmak.

**ÇAPGYLATMAK**, *işl*. Çapgynyň kömegi bilen bir zady çapdyrmak. *Palajy çapgylatmak*.

**ÇAPGYN I**, *at, taryh*. Çozuş, talaňçylyk, çapawulçylyk.

◊ **Çapgynyny suwdan çykarmak** kynçylyk bilen ýüzbe-ýüz bolanda, özi başyny çaramak, kynçylygy ýeňmek.

**ÇAPGYN II**, *syp*. Içiňden geçip barýan ýelli, örän güýçli, şemally, kesip barýan (sowuk, aýaz hakynda). *Çapgyn sowuk gulaklaryňy kesip barýardy*.

**ÇAPGYNLAŞMAK**, *işl*. Howa has sowamak, güýçli aýaz bolup başlamak; ýel güýjäp gaty sowamak.

**ÇAPGYR I**, *syp*. Örän gowy çapýan, ýyndam, ýüwrük, çapagan. *Atyň çapgyr bolsun!*

**ÇAPGYR II**, *syp*. Gowy çapýan, ýiti. *Çapgyr palta*.

**ÇAPGYRLYK I**, *at*. Örän gowy çapmaklyk, ýüwrüklik, çapaganlyk. *Ol bedewiň çapgyrlygy çeniň däldir.*

**ÇAPGYRLYK II**, *at*. Gowy çapyp bilijilik; ýitilik. *Paltanyň çapgyrlygy bolmasa, agramynyň ähmiýeti ýok.*

**ÇAPGYÝASSYK**, *syp*. Üstünde et, ot çapylýan, kerçelýän tokga ýasy agaç.

◊ **Çapgyýassygy ýaly** (adamyň boýny hakynda) örän ýasy, ýogyn (garşylykly manyda ulanylyşy: **boýny almaň sapagy ýaly**). *Boýny çapgyýassygy ýaly adam*.

**ÇAPGYÝASSYKLYK**, *at*. Çapgyýassyk etmäge ýarar ýaly, çapgyýassyk üçin niýetlenen. *Çapgyýassyklyk ýogyn agaç gözüňizde bolsun.*

**ÇAPHANA** [çapha:na], *at*. Kitap, gazet-žurnal we başga neşirler çap edilýän kärhana. *Çaphananyň täze jaýy ýetişdi.*

**ÇAPHANAÇY** [çapha:naçy], *at*. Çaphanada çap işi bilen meşgul bolýan işgär, çaphana işgäri. *Ony çaphanaçy edip alanlaryna ýarym aý geçmändi.*

**ÇAPHANAÇYLYK** [çapha:naçylyk], *at*. Çaphanaçynyň käri, wezipesi. *Meni çaphanaçylyga işe aldylar.*

**ÇAPMA I**, **II** *iş ady*. Çapmak ýagdaýy.

**ÇAPMAK I**, *işl*. Aýagaldygyna ylgamak, ýüwürmek, ýortmak; gaty sürmek. *Ýabylar gara der bolup çapyp gelýärdiler* ("Edebiýat we sungat").

**ÇAPMAK II**, *işl*. **1**. Palta ýaly ýiti ýarag bilen urup, bölmek, böleklemek, bölek-bölek etmek. *Et çapmak. Odun çapmak.* **2**. *göç.m., taryh.* Talamak, çapawullamak. **3** *göç.m.* Bir zadyň ugrunda jan çekmek, jan etmek, alakjamak. *Men-ä işimiziň gowy bolaryna çapýan*.

**ÇAPRAZ** [çapyraz] **I**, *at*. **1**. *zergärç*. Gara, ýaşyl ýa-da gök matanyň ýüzüne dört setir edilip düzülýän ortasy güberçek, iki tarapy gulply bezeg şaýy. **2**. Ýüplügiň, ýüpegiň we ş.m. iki dyzyň daşyndan atanaklaýyn saralyp alnan kültemi.

◊ **Çapraz düşmek** ters gelmek, biri-birinden gapma-garşy, sowaşyk bolmak. *Bu sapar hem iki gojanyň sözi biri-birine çapraz düşdi* (B. Kerbabaýew).

**ÇAPRAZ** [çapyraz] **II**, *at*. Byçgynyň dişiniň başaşa gyşardylyp igeleniş usuly. *Bu pyçgynyň çaprazy ýok*.

◊ **Çapraz bermek** byçgynyň dişlerini başaşa gyşartmak, çaprazlamak.

**ÇAPRAZ-ÇAŇŇA** [çapyraz-çaňňa], *at*. Durmuşa çykjak gyzlaryň, ýaş gelinleriň çabytlarynyň iki ýan ýakasyna tutulýan çaprazdyr çaňňanyň umumy ady.

**ÇAPRAZLAMA** [çapyrazlama], *iş ady*. Çaprazlamak ýagdaýy.

**ÇAPRAZLAMAK** [çapyrazlamak], *işl*. Byçgynyň dişlerini başaşa gyşartmak. *Byçgyny çaprazlamak.*

**ÇAPRAZLAMAKLYK** [çapyrazlamaklyk], *iş ady*. Çaprazlamak ýagdaýy.

**ÇAPRAZLATMAK** [çapyrazlatmak], *işl*. Birine byçgynyň dişine çapraz berdirtmek. *Byçgynyň dişlerini çaprazlatmak gerek.*

**ÇAPRAZLAÝYŞ** [çapyrazlaýyş], *iş ady*. Çaprazlamak ýagdaýy.

**ÇAPRAZLYK** [çapyrazlyk ], *at*. Biri-birine ters gelijilik, gapma-garşylyk, sowaşyklyk.

**ÇAPUW**, **1**. *iş ady*. Çapmak ýagdaýy. **2**. *syp*. Çapyşyga goşulýan, çapylýan. *Seýrek daňlan çapuw atlar öz gazyklarynyň daşyndan aýlanyşýardylar* (B. Kerbabaýew). **3**. *at*. *ser.* **Çapyşyk 1**. *Dordepel hem şeýle çapuw bilen ýaş başyndan beýnisi berkişen atlardan biridi* (A. Gowşudow).

**ÇAPY**, *at*. Donuň syýyndan bagjyk ýerine çenli tutulýan zolak mata.

**ÇAPYK**, **1**. *syp*. Ýiti gural bilen çapylan. **2**. *at*. Çapylan ýa-da kesilen ýeriň yzy.

**ÇAPYKLYK**, *at*. Kesiklik, çapylanlyk, diliklik.

**ÇAPYKSUWAR** [çapyksuwa:r], *at*. At çapyşykda aty çapýan, aýlawda at çapyjy bolup işleýän adam, atçapar. *Hersiniň üstünde bir çapyksuwar – birisi gartaňdy, birisi jahyl* (K. Gurbannepesow).

**ÇAPYKSUWARÇYLYK** [çapyksuwa:rçylyk], *at, ser*. **Çapyksuwarlyk**.

**ÇAPYKSUWARLYK** [çapyksuwa:rlyk], *at*. Çapyksuwaryň käri. *Seýisçilik bilen çapyksuwarlyk aty bir kemsiz tanamagy talap edýändir* ("Edebiýat we sungat").

**ÇAPYLMAK I**, *işl.* Biri tarapyndan çapmak işi amal edilmek. *Bedewleri oýnap durar, Çapylsa, baýragyn alar* ("Görogly").

**ÇAPYLMAK II**, *işl.* Çapmak işi ýerine ýetirilmek, çapmak arkaly aýrylmak. *Aradan salym geçmänkä-de çapylan çöpler kartanyň gyrasyna üýşürilýär* (Ý. Mämmediýew).

**ÇAPYLYK**, *syp*. Çapy üçin niýetlenen, çapy üçin gerek bolan (mata). *Çapylyk kesip almak.*

**ÇAPYM-ÇAPYM**, *hal.* Birnäçe gezek çapylan, çapylyp bölek-bölek edilen. *Duruň entek, men ony çapym-çapym edeýin* ("Görogly").

**ÇAPYŞDYRMAK I**, *işl.* Çapyşykda ýaryşdyrmak. *Toýda, aýlawda at çapyşdyrmak.*

**ÇAPYŞDYRMAK II**, *işl.* Çapgy, gylyç we ş.m. zatlar bilen bölek-bölek edişdirmek, kerçeşdirmek, çapyp çykmak. *Guran agaçlary çapyşdyrmak.*

**ÇAPYŞMAK I**, *işl.* Çapyp ýaryşmak, çapmakda güýç synanyşmak. *Sportuň milli görnüşleri bolan göreş, at çapyşmak, ýaglyga towusmak adamlaryň saglygyny mäkämlendirýär* ("Edebiýat we sungat").

**ÇAPYŞMAK II**, *işl.* Çapmaga kömekleşmek; çapmakda, kesmekde ýaryşmak. *Odun çapyşmak.*

**ÇAPYŞYK I**, *at.* At çapyşyk geçirilýän ýaryş. *Uly ýaşar atlaryň çapyşygy diýseň gyzykly geçdi.*

**ÇAPYŞYK II**, *at*. Uruş, gyrlyşyk, ölşük. *Iki goşunyň arasynda çapyşyk başlandy.*

**ÇAR** [ça:r], *gepl.d.* Tarap, ýan, töwerek, künç sözleri bilen dört sözüniň manysynda ulanylýan söz.

◊ **Çar bolmak (düşmek)** göreşde ýeňiş hiç kimiň haýryna gutarman, deň bolmak, deňme-deň bolmak. **Çar tarap (künjek**, **ýan)** dört tarap, ýan, çar töwerek.

**ÇARAMAK**: **başyňy çaramak** öz-özüňi oňarmak, her bir ýagdaýdan özüň baş çykarmak, baş alyp çykmak. *Ol öz başyny çarar* (N. Saryhanow).

**ÇARAN**, *at.* Sil, ýagyn suwlarynyň emele getiren kiçiräk jary, jaran. *Ine, şolar şordan geçdi, Giň çarandan zordan geçdi* (M. Seýidow).

**ÇARAÝNA** [ça:ra:ýna], *at.* Döşi, arkany, iki böwri sowuk ýarag urgusyndan goraýan polat örtgi.

**ÇARBAG** [ça:rva:ğ], *at*. **1.** Gezelenç, seýil edilýän uly bag, giden baglyk ýer; seýilgäh. **2.** *gepl.d.* Daşyna haýat çekilen giden bag-bakjalyk ýer. **3.** *gepl.d.* Haýat.

**ÇARBAGLYK** [ça:rva:ğlyk], *at*. Bir giden baglyk. – *Eý oglan, ol görünýän çarbaglyk paýtagt şäherdir* ("Türkmen halk ertekileri"). *Derwezäniň öňi giden çarbaglyk...* (K. Gurbannepesow).

**ÇARBAÝ** [çarvaý], *syp*. Bir zat sebäpli uly galmagal turuzýan, nadara, şermende, haýýar.

**ÇARBAÝLYK** [çarvaýlyk], *at*. Bir sebäpden edilýän nadaralyk, şermendelik, haýýarlyk. *Ol her hili çarbaýlyga urdy, gykylyk etdi* (B. Kerbabaýew).

**ÇARÇUWA** [ça:rçuwo], *at.* Äpişgäniň, gapynyň we ş.m. daşyndaky dört burç gurşawy; gapyda bosaga, ýokarky işik, söýeleriň jemi. *Ol penjiräniň çarçuwasyndan tutup, has aňyrraklara boýnuny süýndürip seretmäge başlady.*

**ÇARGAT** [çarğat], *at, gepl.d.* Aýallaryň başyna atynýan uly ýüň ýaglygy. *Gyzyl çargady başynda, geler sallana-sallana* (Baýram şahyr). *Seçekli ak çargadynyň burçuny, Alkymyndan aýlap, arka atypdyr* (A. Kowusow).

**ÇARGATLY** [çarğatly], *syp*. Başynda çargady bolan, çargat atynan.

**ÇARH** [çaryh], *at*. **1**. Hereket edýän dişli tigir. **2**. Ýüplük saramak ýa-da egrilen ýüplüge tow bermek üçin ulanylýan gural. *Ujypsyzja ýüpe tow bermek üçin uzynly gije gödensiz çarhyň irginsiz jygyldysyna çydam edip oturmaly bolýardy* (B. Kerbabaýew). **3**. Suw degirmenini herekete getirýän gural, perli uly tigir. **4**. Guýudan gowa çekmek üçin içinden ýogyn demir geçirilen togalak uzyn agaçdan ýasalan gural. *Ussa guýynyň ýanynda çarhyň işleýşine syn edip durdy.* **5**. Pyçak we ş.m. zatlary çalmak, ýiteltmek üçin tegelek daşly aýlanýan gural. *Paltany çarha tutmak*.

◊ **Çarh urmak** aýlanmak, öz töweregiňe çalt hereket etmek.

**ÇARHÇA** [çaryhça], *at.* Hereket edýän dişli kiçijik tigir.

**ÇARHÇY** [çaryhçy], *at.* Çarh ýasaýan ýa-da çarhy işledýän adam.

**ÇARHLAMA** [çaryhlama], *iş ady*. Çarhlamak ýagdaýy.

**ÇARHLAMAK** [çaryhlamak], *işl*. Çarhda çalmak, çarhda ýitilemek, çarha tutmak.

**ÇARHLAMAKLYK** [çaryhlamaklyk], *iş ady*. Çarhlamak ýagdaýy.

**ÇARHLANMAK** [çaryhlanmak], *işl*. Biri tarapyndan çarha tutulmak, çarhda ýiteldilmek. *Palta çarhlanypdyr.*

**ÇARHLATDYRMAK** [çaryhlatdyrmak], *işl*. Birine çarha tutdurmak, birine çarhlatmak. *Pyçagy çarhlatdyrmak*.

**ÇARHLAÝYŞ** [çaryhlaýyş], *iş ady*. Çarhlamak ýagdaýy.

**ÇARHOWUK**, *at.* Gapy, äpişge oturdylýan ýeriň ýokarsyna goýulýan agaç. *Çarhowuk üçin gowy agaç gerek*.

**ÇARHY-PELEK,** *at.* Pelsepewi düşünjä görä dünýäniň, durmuşyň, ykbalyň çarh ýaly aýlanyp, yzygiderli üýtgäp durşy; döwür, heňňam.

**ÇARKANDAK** [çarkannak], *syp.* Beýikli-pesli, büdür-südür, tekiz bolmadyk (ýer, ýol). *Ozal bu ýol erbetdi, çarkandakdy* ("Edebiýat we sungat").

**ÇARKANDAKLYK** [çarkannaklyk], *at.* Çarkandak bolup ýatan ýer, giden çarkandak ýol. *Olar ýol, ýoda bilen ýöremän, çarkandaklyk bilen gidenleri üçin, birdenkä kert gaýa uçradylar* (B. Kerbabaýew).

**ÇARLAK**, *at.* Gysga aýakly suw guşy. *Çarlak guş kimin ap-ak gämi gury ýerden örküni üzüp, kenardan barha daşlaşyp barýar* ("Türkmenistan").

**ÇARP: çarp urmak 1**. Bir işi ýerine ýetirjek bolup eýläk-beýläk ylgamak, hars urmak, çar ýana urunmak. *Towşanyň torç eden gollaryndan ony tapjak bolup, çar tarapa at salýar, üznüksiz ysyrganyp çarp urýar* (B. Gurbanow). **2**. Eýläk-beýläk urunmak, çabalanmak, selpemek, elewremek.

**ÇARPAÝA** [ça:rpa:ýa], *at, gepl.d.* Dört aýakly agaç krowat.

◊ **Çarpaýa galmak 1**. Iki art aýagynyň üstüne galyp durmak (at barada). *Uçmahy bedewlerimiziň çarpaýa galyp, görenleri aňk edýän tomaşasyny synlap görensiň-ä?* ("Türkmenistan"). **2**. Ör-gökden gelmek, elden-aýakdan çykmak. *Aýrylyşjak sözüni eşidende çarpaýa galdy.*

**ÇARPDYRMAK** [çarypdyrmak], *işl.* El çarpdyrmak, birini çarpmaga ündemek, çarpmak hereketini başga birine etdirmek, çarpmaga mejbur etmek.

**ÇARPMA** [çarypma], *iş ady*. Çarpmak ýagdaýy. *El çarpmalar dowamly boldy*.

**ÇARPMAK** [çarypmak], *işl.* Iki eliň iç ýüzüni biri-birine yzygiderli urmak, çapak çalmak. *Nöker elini çarpyp güldi* (B. Kerbabaýew).

**ÇARPMAKLYK** [çarypmaklyk], *iş ady*. Çarpmak ýagdaýy. *El çarpmaklyk dowam edýärdi*.

**ÇARPYLMAK**, *işl.* Biri tarapyndan çarpmak hereketi edilmek. *Teatrda şowhunly el çarpyldy.*

**ÇARPYŞMAK**, *işl.* Ýerli-ýerden birnäçe bolup, köp bolup el çarpmak. *Dumly-duşdan el çarpyşyp, oňa aýry-aýry aýdymlary birnäçe gezek gaýtalatdylar.*

**ÇARŞAK**, *at.* Harman, saman agdarmak, harman atmak, ýandak we ş.m. toplamak üçin ulanylýan agaçdan ýa-da demirden ýasalan üç, dört ýa-da sekiz dişli gural. *Ýaşuly pildir kätmeni, çarşagy belli ýerde, bazaryň ileri ýakasynda oturan ussanyň öňüne eltip dökdi* ("Türkmenistan").

**ÇARŞAKLAMA**, *iş ady*. Çarşaklamak ýagdaýy.

**ÇARŞAKLAMAK**, *işl.* **1**. Çarşak bilen toplamak, çarşak bilen agdarmak, ýygnamak, çarşak bilen harmany atmak. *Bedäni çarşaklap araba ýüklemek.* **2**. *gepl. d.* Penjelemek, penjeläp tutmak. *Ol palaw çarşaklan barmaklaryny şapbyldadyp ýalady* (A. Gowşudow).

**ÇARŞAKLAMAKLYK**, *iş ady.* Çarşaklamak ýagdaýy.

**ÇARŞAKLANMAK**, *işl.* Çarşagyň kömegi bilen atylmak, agdarylmak.

**ÇARŞAKLAŞMAK**, *işl.* **1**. Çarşak bilen atmaga, toplamaga, kömekleşmek. **2**. *gepl.d.* Elleşip salamlaşmak, görüşmek. **3**. *göç.m.* Iki ýa ondan köp bolup çarşakly uruşmak, iki taraplaýyn çarşakly garpyşmak.

**ÇARŞAKLAÝYŞ**, *iş ady*. Çarşaklamak ýagdaýy.

**ÇARŞAW** [ça:rşow]**: çarşaw ýaglyk** aýallaryň başyna atynýan kerpiç-kerpiç nagyşly ýüpek ýaglygy. *Başyndaky çarşaw ýaglygy bolsa, ol ýöredigiçe, şemalyň ugruna tolkunyp, täsinje pasyrdaýar* (N. Pomma).

**ÇARŞENBE** [ça:rşemme], *at.* Hepdäniň üçünji gününiň ady. *Çarşenbe güni – çar ýana* (Atalar sözi). *Çarşenbe gün çäş wagty gondurdygym bilmezmiň?* (Magtymguly).

**ÇARYK**, *at.* Düýe we sygyr hamyndan ýörite biçilip, bütin gyralary we başlygynyň üsti deşilip büzülen aýakgap. *Aýazhan, çarygyňa bakarak* (Atalar sözi).

**ÇARYKÇY**, *at.* Çaryk tikmek bilen meşgul bolýan adam, çaryk tikýän adam. *Çarykçy çarygyň burnuny tikmek üçin ýörite tasmalary taýynlap goýdy.*

**ÇARYKLYK**, *syp*. Çaryk tikmek üçin niýetlenen, çaryk tikmäge gerekli. *Çaryklyk ham.*

**ÇARWA** [çarwo], *at*. **1**. Maldarçylyk bilen meşgul bolup, öri gözleginde göçüp-gonup ýören hojalyk. *Çarwa daýhanyň yzyndan ýedi ýylda ýeter, Daýhan daýhanyň yzyndan bir ýylda* (Nakyl). **2**. Oglana dakylýan at.

**ÇARWAÇY** [çarwoçy], *at, ser*. **Çarwadar**.

**ÇARWAÇYLYK** [çarwoçuluk], *at.* Oba hojalygynyň maldarçylygy köpeltmek we ösdürip ýetişdirmek bilen meşgullanýan pudagy, maldarçylyk. *Bu ýyl daýhançylyk üçinem, çarwaçylyk üçinem gowy ýyl boldy* (B. Kerbabaýew).

**ÇARWADAR** [çarwoda:r], *at.* Çarwaçylyk bilen meşgul bolýan adam, işi maldarçylyk bolan adam. *Çarwadar illeriň bardyr sen çölüň!* (Seýdi).

**ÇARWADARLYK** [çarwoda:rlyk], *at, ser.* **Çarwaçylyk**. *Çarwadarlyk bilen meşgullanmak.*

**ÇAS**: **ças bermek** *harby*. Iki aýagyňy jüp tutup, sag eliňi papagyň, telpegiň etegine çenli galdyryp salamlaşmak; hatyralamak. *Ynamdarlyk bilen ol gadam urdy, çykanda garawul ças berip durdy* (B. Kerbabaýew).

**ÇASGYN** [çasğyn], *syp., ser.* **Çasly**. *Deräniň giňligindenmi ýa-da golaýda çasgyn derýanyň şaglap ýatanlygyndanmy, töwerek has aram görünýärdi* (G. Kulyýew).

**ÇASLANMA**, *iş ady.* Çaslanmak ýagdaýy.,

**ÇASLANMAK**, *işl.* Akyş ýagdaýy tizleşmek, çaltlanmak güýçlenmek. *Suwuň akyşy çaslanýar.*

**ÇASLANMAKLYK**, *iş ady.* Çaslanmak ýagdaýy.

**ÇASLANYŞ**, *iş ady.* Çaslanmak ýagdaýy. *Ene ýabyň birden çaslanyşyna geň galdyk*.

**ÇASLY**, *syp.* Adatdakydan ýiti; batly, güýçli. *Mal kowýan, sygyr gaýtarýan oglanlaryň çasly sesleri çykýardy* (B. Kerbabaýew).

**ÇASUS** [ça:su:s], *at, k.d.* Jansyz, jasus, içaly. *Meger käfiriň çasusy bardy* ("Kitaby dädem Gorkut").

**ÇAŞARMAK** [ça:şarmak], *işl.* Çaşy halyna geçmek.

**ÇAŞARTMAK** [ça:şartmak], *işl.* Çaşy halyna getirmek. *Gözüňi çaşartmak.*

**ÇAŞDYRMAK** [ça:şdyrmak], *işl.* Çaşmak ýagdaýyna getirmek, çaşar ýaly hala düşürmek. *Oslagsyz habar Agsak Mürzäni bir hili çaşdyraýjak ýaly etse-de, içki syryny bildirmezlik üçin, oňa gözlerini alardyp seretdi* (B. Kerbabaýew).

**ÇAŞGYN** [ça:şğyn], *syp.* **1**. Aljyrap özüni ýitiren, aljyran, çaşan. *Men seni beýle çaşgyn ýagdaýda görmändim*. **2**. Çalam-çaş bolup ýatan, dagynyk. *Öý goşlary çaşgyn bolup ýatyr*. **3**. Oba ady.

**ÇAŞGYNLYK** [ça:şğynlyk], *at.* **1**. Çaşgyn halda bolmaklyk, aljyraňňylyk, çaşan ýagdaýdalyk. *Çaşgynlyga düşmek.* **2**. Çalam-çaşlyk, dagynyklyk.

**ÇAŞMA** [ça:şma], *iş ady.* Çaşmak ýagdaýy.

**ÇAŞMAK** [ça:şmak], *işl.* **1**. Çalam-çaş bolmak, hersi bir ýerde bolmak, dagamak, pytramak. *Çaşyp ýatan kagyzlary hasyr-husur ýygnaşdyrdy* (G. Kulyýew). **2**. Özüňden gitmek, essiň aýylmak, az wagtlyk huşuňy ýitirmek. *Ol çaşyp ýatyr* ("Türkmen halk ertekileri"). **3**. *göç.m.* Özüňi ýitirmek, aljyraňňy hala düşmek. *Namart çaşar küren ile baş bolsa* (Magtymguly).

**ÇAŞMAKLYK** [ça:şmaklyk], *iş ady.* Çaşmak ýagdaýy.

**ÇAŞY** [ça:şy], *syp.* Gözleriniň göreji gyşaran, gyşyk gözli.

◊ **Çaşynyň gözüne sereden ýaly bolmak (etmek)** belli bir zat düşünmän, iki arada galmak, alasarmyk, gümürtik ýagdaýa düşmek, ugur-ýol tapar ýaly bolmazlyk. *Elhepus, mirap, çaşynyň gözüne sereden ýaly etdiň* (B. Kerbabaýew).

**ÇAŞYLYK** [ça:şylyk], *at.* Çaşy bolmaklyk, gözi gyşyklyk.

**ÇAŞYRMA** [ça:şyrma], *iş ady.* Çaşyrmak ýagdaýy. *Ol habaryň ony beýle çaşyrmasyna düşünmedim.*

**ÇAŞYRMAK** [ça:şyrmak], *işl.* **1**. Topbak zady dyr-pytrak etmek, hersini bir ýere pytratmak, dargatmak. **2**. Özünden gidermek, essini aýdyrmak. **3**. *göç.m.* Aljyraňňy hala salmak, aňkasyny aşyrmak, näme etjegini bilmez ýaly derejä ýetirmek. *Gahar adamyny çaşyrar* (B. Kerbabaýew).

**ÇAŞYRMAKLYK** [ça:şyrmaklyk], *iş ady.* Çaşyrmak ýagdaýy.

**ÇAŞYRYLMAK** [ça:şyrylmak], *işl.* Çaşyrmak hereketi başga biri tarapyndan edilmek.

**ÇAT**, *at.* **1**. Bitin bir zatda bolan jaýryk, ýaryk, aýryk. *Çanagyň gyrasynda çaty bar*. **2**. *ser.* **Çatalba**. *Sen ördeklere öýkünjek bolup ýörme, garga gaza öýkünip, çatyny aýranyny sen eşitmänmidiň*? ("Türkmen halk ertekileri"). **3**. Derýalaryň birleşýän ýeri, çatrygy. **4**. Balkan welaýatynda ýer ady.

◊ **Çat açmak** jaýrylmak. *Aýna çat açypdyr.* **Çat maňlaýy** dogry garşydaky tarap, göni öň tarap, ýazzy maňlaýy. *Çat maňlaýyndaky gapyny ýuwaşlyk bilen açdy* (A. Durdyýew).

**ÇATAK**, *syp.* Çykalga tapmak kyn, bulam-bujar, bulaşyk, kyn, çylşyrymly. *Ertir süri suwa gelmänkä, bir alaç etmeseň, iş çatakdy* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Çatak salmak** hile gurmak, bulaşyklyk, kynçylyk döretmek,

**ÇATAKLYK**, *at.* Bulam-bujarlyk, bulaşyklyk kynçylykly, çylşyrymly ýagdaý.

**ÇATALBA** [çatalva], *at.* Adamyň iki aýagynyň ýa-da haýwanyň iki art aýagynyň birleşýän ýeri.

**ÇATDYRMAK**, *işl.* Çatmak işini birine etdirmek. *Jübiň deşigini çatdyrmak. Iligiňi çatdyrmak.*

**ÇATLAMAK**, *işl.* Çat açmak, jaýryk açmak, jaýrylmak, ýarylmak. *Hamy törpi ýaly bolupdyr, dyrnaklary bolsa çatlapdyr* (A. Kekilow).

**ÇATMA**, **1**. *iş ady.* Çatmak ýagdaýy. *Onuň ak matany gara sapak bilen çatmasyna düşünmedim*. **2**. *at.* Ekiniň başynda çöp-çalamdan edilýän küme. *Molla torgaý guş awçynyň oturan çatmasynyň depesinde saýrap otyr diýýär* ("Güneş"). **3**. *at, gepl.d.* Ýaşalýan ýönekeýje tam, öý. *Biziň çatmamyzdan hem duz dadyp geçiň-dä!*

**ÇATMAK**, *işl.* **1**. Ýyrtylan ýa-da sökülen ýeri tikmek, depjemek. *Oglum, getir köýnegiň ojagaz*

*ýerini çatyp bereýin*. **2**. Ýüpüň, tanapyň we ş.m. ujuny birikdirip daňmak. **3**. Iki ýa-da köp zady biri-birine baglamak, bir ýere birikdirmek, baglamak, asmak. *Agyr ýükleri ineriň gapdalyna ýalňyz özüm çatardym* (A. Gowşudow). **4**. Biriniň ýanyna goşmak, bile gider ýaly etmek, tirkemek. *Hydyry käte olaryň ýany bilen çatar goýbererdi* ("Edebiýat we sungat"). **5**. *gepl.d.* Ýigit bilen gyzy, başy boş aýal maşgala bilen erkek adamy birikdirip nikalaşdyrmak, öý-işik etmek. *Gyz bilen ýigidi çatmak onuň ökde käridir.* **6**. *gepl.d.* Örän ýakynlaşmak, iýeni aýry gitmezlik. *Soňky döwürde senem-ä onuň bilen çatypsyň.*

**ÇATMAKLYK**, *iş ady.* Çatmak ýagdaýy.

**ÇATMALYK**, *at.* Birnäçe çatmanyň dikilen ýeri, giden çatmaly ýer; çatmanyň köp ýeri. *Hanyň öňüne düşüp, çatmalyga baka ugradylar* (A. Durdyýew).

**ÇATRYK** [çatyryk], *at.* Ýoluň, köçäniň biri-biri bilen kesişip geçýän ýeri. *Men gyzyl almalara syn edip otyrdym, oý-pikirlerim bolsa iki ýoluň çatrygyndady* ("Türkmenistan").

**ÇATY**, *at.* **1.** Zat asmak, aşagynda oturmak üçin üç sany şahanyň, agajyň uçlary çatylyp edilen enjam. *Süzme haltany çatydan asdyk*. **2**. Kir, kak serilýän ýüpüň iki gapdal agajy. *Kimler kak serýär, kimler biraz sarganlaryny çata galdyrýarlar* (B. Kerbabaýew).

**ÇATYK**, *syp.* Biri-birine çatylan, baglanyp goýlan, bitişik.

**ÇATYL: çatyl süňke dönmek** eti-gany eräp, gaty horlanmak.

**ÇATYLMAK**, *işl.* **1**. Biri tarapyndan tikilmek, baglanmak. **2**. Köp zat bir ýerde birleşmek. *Doly çuwallar inere çatyldy. Bäş ýüz bedew bir teblede çatylsyn* ("Görogly"). **3**. Tapyşmak, bitişmek. *Tüňňi maňlaýynyň gara gaşlary biri-birine çatylýar* (B. Kerbabaýew).

**ÇATYLYK**, *syp.* Çaty etmäge ýaraýan, çaty eder ýaly. *Çatylyk agaç getirmek.*

**ÇATYNJA**, *at.* Täzeräk öý-işik bolan ýigit bilen gelin. *Täze çatynja özüňe belli, Öwezmyrat traktorynyň tarryldysyna sazlaşdyryp hiňlendi* ("Türkmenistan").

**ÇATYŞ**, *iş ady.* Çatmak ýagdaýy.

**ÇATYŞDYRMAK**, *işl.* **1**. Geýimiň we ş.m. ýyrtylan ýerlerini tikişdirmek, çatyp çykmak, depjeşdirmek. *Ganaryň ýyrtygyny çatyşdyrmak.* **2**. Ýüpüň, tanapyň we ş.m. uçlaryny biri-birine daňyşdyrmak, sepleşdirmek. *Ol telefon simlerini biri-birine çatyşdyryp çykdy*.

**ÇATYŞMAK**, *işl.* **1**. Çatmaga kömekleşmek; bilelikde çatmak. *Men oňa ganarlaryň ýyrtygyny çatyşdym*. **2**. Iki zat bir ýerde birleşmek, biri-biri bilen kesişmek. *Köçeleriň çatyşýan ýerinde duşuşarys*.

**ÇAW** [ça:w], *at.* **1**. Dabara, owaza, şöhrat, at-abraý; ýaň. *Mäleme guzym, mäleme! Çawuň düşendir äleme* ("Görogly"). *Ata çykyp, alsa awy, Çar tarapa düşer çawy* (Mätäji). **2**. Deňizdäki tüweleý.

**ÇAWDYRMAK** [ça:wdyrmak], *işl.* Howada gaýdyryp goýbermek, gyýtakladyp gaýdyrmak (ok hakynda).

**ÇAWLABERMEK** [ça:wla:vermek], *işl.* Birini yzly-yzyna urmak, çawlamak işine başlamak. *Birden ýanyndakylary gamçy bilen çawlaberdi*.

**ÇAWLAMA** [ça:wlomo], *iş ady.* Çawlamak ýagdaýy.

**ÇAWLAMAK** [ça:wlomok], *işl.* **1**. Çybyk, gamçy we ş.m. zatlar bilen urmak, saýgylamak. *Bir-iki gezek ol ýagyrnysyna mazaly çawlady* (N. Hojageldiýew). **2**. Oduň, ýalnyň howry ýüzüňi ýakmak, ýalap geçmek. *Mahal-mahal öwüsýän şemal durşy bilen ýalna öwrülip, ýüz-gözleri çawlap barýardy* ("Edebiýat we sungat")

**ÇAWLAMAKLYK** [ça:wlomokluk], *iş ady.* Çawlamak ýagdaýy.

**ÇAWLANMAK** [ça:wlonmok], *işl.* Çawlamak işi edilmek. *Örtenip hem çawlanyp, Nurberdi ýandy oduňa* (Şabende).

**ÇAWLAŞDYRMAK** [ça:wloşdyrmak], *işl.* **1**. Çybyk, gamçy we ş.m. zatlar bilen yzly-yzyna çawlamak, uruşdyrmak, saýgylaşdyrmak. **2**. Hemmesini çawlap çykmak.

**ÇAWLATMAK** [ça:wlotmok], *işl.* **1**. Çybyk, gamçy we ş.m. zatlar bilen birini saýgylatmak, yzly-yzyna urdurmak. **2**. Ýüzüňi-eliňi we ş.m. ýalna çirkizdirmek, ýalna ýalatmak. *Lowlap ýanýan oda el-aýagymy çawlatdym.*

**ÇAWLAÝYŞ** [ça:wloýuş], *iş ady.* Çawlamak ýagdaýy.

**ÇAWMAK** [ça:wmak], *işl.* **1**. Bir zada degip howada gaýyp gitmek, ugruny üýtgetmek (ok hakynda). **2**. *göç.m.* Ýaýrap degmek, çaýylmak, urmak, täsir etmek. *Yssy demi ýüzüne çawýardy*.

**ÇAWMAKLYK** [ça:wmaklyk], *iş ady.* Çawmak ýagdaýy.

**ÇAWUŞ** [ça:wuş] **I**, *iş ady.* Çawmak ýagdaýy.

**ÇAWUŞ** [çawuş/ça:wuş] **II**: **çawuş çakmak** hiç kime eşitdirmän, biriniň gulagyna bir zat aýtmak. *Bahar gaýyn enesiniň gulagyna çawuş çakdy* (O. Ödäýew).

**ÇAÝ** [ça:ý] **I**, *at.* **1**. Çaýlar maşgalasyna degişli hemişe gök öwsüp oturan, gür şahaly, gyrymsy ösümlik. **2**. Şu ösümligiň içmek üçin hyzmat edýän guradylan we ýörite işlenen ýapragy. *Bir atymlyk çaý*. **3**. Şu ösümligiň guradylyp ýörite işlenen ýapragy atylyp demlenen ýakymly ysly içgi. *Myrat aga aýbogdaşyny gurup çaý içýär* (A. Durdyýew). *Ol bir käse çaý içim salymda, ylla iner otlan ýaly etdi-de, ýerinden turdy* ("Türkmenistan").

◊ **Çaý içer (içim) salym** az wagt, gysga wagt, çaý içer ýaly takmyn wagt. **Çaý jogap etmek** buşukmak.

**Çaý teýi** çaý içilmezinden öň iýilýän, ýürekse edinilýän nahar. *Myhmanhananyň bezegli otagynda ir bilen çaý teýi edinip otyrdyk* ("Edebiýat we sungat").

**ÇAÝ** [ça:ý] **II**, *at.* Suw akýan ýa-da bir wagt suw akan jar.

**ÇAÝ** [ça:ý] **III**, *at, kön.s.* Guýy. *Kişiniň agasy şeýle bolarmy?! Gözün oýup çaý düýbüne salarmy*?! (Halk aýdymyndan). *Ýalňyz ogluň galdy çaýyň içinde, Öleni ýok, aman-esen diýgeý siz* ("Hüýrlukga – Hemra").

**ÇAÝ** [ça:ý] **IV**, *at, ser.* **Çaýkel**.

**ÇAÝÇAŇŇALAK** [ça:ýçaňňalak], *at, ser.* **Çaýkel**. *Dagyň ýokarsynda ýeke-täk çaýçaňňalak peýwagtyna aýlanyp ýör.*

**ÇAÝÇORBA** [ça:ýço:rvo], *at.* Gowurmanyň, akýagyň üstüne çaý guýlup iýilýän iýmit. *Çadyrda gowurma bardyr, häzirlikçe çaýçorba edinip, döwüm-dişlem iýiň!* (A. Gowşudow). *Ol öňümize çäýnek-käseleri süýşürdi-de, mele saçagyň bir gyrasyny ýazyp, "Çaýçorba edinseňizem bolar, nana ýanap iýseňizem..." diýdi* ("Türkmenistan").

**ÇAÝÇORBALYK** [ça:ý-ço:rvoluk], *syp.* Çaýçorba eder ýaly, çaýçorba ýararly, çaýçorba etmäge ýeterlik.

**ÇAÝ-ÇÖREK** [ça:ý-çörök], *at.* **1**. Nahar. **2**. Ýürekselik üçin iýilýän ýeňiljek nahar. *Annaguly öýe girdi, çaý-çöregini iýdi* (A. Durdyýew).

**ÇAÝÇY** [ça:ýçy], *at.* **1**. *ser.* **Çaýhana.** *Dükanlaryň tükenen ýerinde, saraý bilen aralykda, bir suwalan kepbede türkmen çaýçysy bardy* (H. Derýaýew). **2**. *ser.* **Çaýhanaçy**. *Soňra çaýçynyňka baryp, iki çäýnekden çaý içerdiler* (B. Seýtäkow). **3**. *ser.* **Çaýkeş**. *Ol baryp ýatan çaýçy eken.* **4**. Çaý ösümligini ösdürip ýetişdirmek bilen meşgullanýan adam. *Çaýçylar artdyrylan güýç bilen işleýärler*.

**ÇAÝÇYLYK** [ça:ýçylyk], *at.* **1**. Çaýçynyň käri, wezipesi. *Ýöne weli, men seniň çaýçylyk işiňi gowy görmeýän* (A. Durdyýew). **2**. Oba hojalygynyň çaý ösdürip ýetişdirmek bilen meşgul bolýan pudagy. *Çaýçylyk hojalygy*. **3**. Çaýkeşlik, çaý içmäge meýillilik, çaýy köp içmek häsiýeti. *Onuň çaýçylygyna men-ä haýran*.

**ÇAÝDAN** [ça:ýda:n], *at.* Gury çaý salynýan gap, çaýgap.

**ÇAÝDYRMAK** [ça:ýdyrmak], *işl.* **1**. Çaýmak işini birine etdirmek, bir zadyň ýüzüne başga zady çaldyrmak. *Eýeriň gaşyny, gamçysynyň sapyny kümüşden edip ýüzüne altyn çaýdyrdy.* **2**. Ekini çala, ýüzleý suwarmak, çala suw bermek, içini öllemek. *Arpa-bugdaýa suw çaýdyrmak.*

**ÇAÝGAP** [ça:ýğa:p], *at.* Içinde atym çaý saklanýan kiçi gap.

**ÇAÝHALTA** [ça:ýhalta], *at.* Çaý salynýan kiçijik halta, ýanyňda göterilýän atymlyk çaý haltajygy. *Çopan aga torbasyny sermeläp, çaýhaltasyny tapdy* ("Edebiýat we sungat").

**ÇAÝHANA** [ça:ýha:na], *at.* Köplenç, çaý içilýän we ýeňiljek garbanylýan naharhananyň bir görnüşi. *Biz çaýhanada naharlandyk.*

**ÇAÝHANAÇY** [ça:ýha:naçy], *at.* Çaýhana işgäri. *Çaýhanaçy bolup işlemek.*

**ÇAÝHOR** [ça:ýho:r], *syp., ser.* **Çaýkeş**. *Indi bizem çaýhor bolupdyrys* (A. Gowşudow).

**ÇAÝHORLYK** [ça:ýho:rluk], *at, ser.* **Çaýkeşlik**.

**ÇAÝJOŞ** [ça:ýjo:ş], *at, kön.s.* Çaý gaýnatmak üçin misden ýa-da çoýundan ýasalan gap, tüňçe, kitir. *Sagynda çaýjoşy, solda pyýala, Köňli gider anyň ýüz müň hyýala* (Zynhary).

**ÇAÝKALMAK**, *işl.* Biri tarapyndan çaýkamak işi edilmek. *Ozalam çaýkalyp goýulmagyna garamazdan, çäýnekleri täzeden çaýkap, çaý demleşdirdi.*

**ÇAÝKAMA**, *iş ady.* Çaýkamak ýagdaýy.

**ÇAÝKAMAK**, *işl.* **1**. Gabyň içine suw guýup, çalak-çulak ýuwmak, içine-daşyna suw guýup dökmek. *Çäýnekleri çaýkap, çilimiň suwuny täzeledi* ("Görogly"). **2**. Ikibaka yralamak, ikiýana silkelemek. *Garagumly garry enäň küýzesin, Çaýkap guýan çaly düşdi ýadyma* (M. Seýidow). *Ýel garaja öýleriň uklaryny şatyrdadyp çaýkap başlady*. **3**. *gepl.d.* Suwa çyrpmak, suwa salyp iki ýana gezdirmek (ýuwlan geýim hakda). **4**. *gepl.d.* Elendirmek, sarsdyrmak.*Uruş tolkuny diňe bir şol topragy däl, bütin dünýäni çaýkapdy* (B. Kerbabaýew). **5**. *göç.m.* Arany bozup, dawa-jenjel döretmek.

**ÇAÝKANDYRMAK**, *işl.* **1**. Ikibaka yrandyrmak, yraň atdyrmak. *Gaýygy çaýkandyrmak.* **2**. Tolkun atdyrmak, tolkundyrmak. *Suwy çaýkandyrmak.*

**ÇAÝKANJYRAMAK**, *işl.* **1**. Ikibaka çalarak yranmak, ýaýkyldamak, yraň atmak, çaýkanybrak ýöremek. **2**. Çalarak tolkun atmak. *Mele suw çaýkanjyrap akýardy*.

**ÇAÝKANMA**, *iş ady.* Çaýkanmak ýagdaýy.

**ÇAÝKANMAK**, *işl.* **1**. Ikibaka yranyp, ýaýkyldap durmak, yraň atmak. *Biziň gaýygymyz tolkunlaryň ýüzünde ýuwaşja çaýkanyp, şol duran ýerinden üýtgemän durdy* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Tolkun atmak, möwç almak. *Amyderýanyň aňyrsyna gözýetmez mele suwy çaýkanýardy* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç.m.* Bahana aramak, yrsaramak. *Dok çaýkanman, aç doýmaz* (Nakyl). **4**. *göç.m.* Aýaga galmak, yrsarap gozgalaň turuzmak.

**ÇAÝKAŞDYRMAK**, *işl.* Birnäçe gaby çaýkap çykmak, gezekli-gezegine çaýkamak. *Ol çaýkaşdyran käselerini süpürişdirdi* (R. Gelenow).

**ÇAÝKAŞMAK**, *işl.* **1**. Çaýkamaga kömekleşmek. *Ol jigisine çäýnek çaýkaşdy* **2**. Yralamaga kömekleşmek, saga-sola ýaýkamak. *Men oňa gorküýzäni öňe-yza*

*çaýkaşdym*. **3**. *göç.m.* Ýuwlan geýimleri çyrpyşmak, suwa salyp çyrpyşmak. *Ol geýimleri çaýkaşdy.*

**ÇAÝKATDYRMAK**, *işl.* Çaýkamak işini birine etdirmek.

**ÇAÝKATMAK**, *işl.* Çaýkamak işini birine etdirmek; birine çaýkamaga mümkinçilik bermek, ýol bermek. *Çäýnekleri maňa çaýkadaý!*

**ÇAÝKAW** [çaýkow], *at.* **1**. Sürülýän ulagyň endigan gitmän, çaýkap gidiş, silteýiş hereketi. *Pälwan bolsa, ýadaw kişi, eýýäm maşynyň çaýkawyna ymyzganyp barýardy* (N. Baýramow). **2**. *göç.m.* Özüni gowy alyp baryp bilmeýän, oýlanyşyksyz hereket edýän, gedemlikden ýaňa hondanbärsireýän adam. *Çem gelen çaýkawa çatma gyzyňy, Öň şeýdip nä gördüň, ýatla yzyňy* (B. Kerbabaýew).

**ÇAÝKEL** [ça:ýkel], *at.* Maslyk, towuk, jüýje we ş.m. zatlary iýýän kellesi tüýsüz uly ýyrtyjy guş, çaýçaňňalak.

**ÇAÝKEŞ** [ça:ýkeş], *syp.* Çaýy köp içmegi halaýan, gowy görýän, çaýhor. *Çaýkeş adam.*

**ÇAÝKEŞLIK** [ça:ýkeşlik], *at.* Çaýkeş bolmaklyk, çaý içmegi gowy görüjilik, çaýhorlyk.

**ÇAÝKYNDY** [çaýkynny], *at.* Çaý, süýt, gatyk we ş.m. gaplar çaýkalanda emele gelýän ýokundyly suw, ýuwundy. *Ýaz çaýkyndysy gyşa gatyk* (Nakyl).

**ÇAÝLAMAK** [ça:ýlamak], *işl.* **1**. Çaý bermek, çaý berip, suwsuzlygyny gandyrmak. *Sabyr baý, hany, myhmanlary çaýla!* (H. Ysmaýylow). **2**. Çaý içmek, çaý içip, suwsuzlygyňy gandyrmak. *Şamyrat gara öýde radio diňläp, çaýlap otyrdy* ("Edebiýat we sungat").

**ÇAÝLAŞMAK** [ça:ýlaşmak], *işl.* Köp bolup çaý içişmek, biri bilen bile çaý içmek. *Sazagyň közüne çygjaryp bir çaýlaşarys welin, nädersiň, argynlyk diýeniň ýele ýanymdan geçmese* ("Edebiýat we sungat").

**ÇAÝLYM** [ça:ýlym], *at, gepl.d.* Jülgäniň suw basýan tekiz ýeri, suw çaýylan ýer.

**ÇAÝMA** [ça:ýma], *iş ady.* Çaýmak ýagdaýy.

**ÇAÝMAK** [ça:ýmak] **I**, *işl.* **1**. Metalyň ýüzüne ikinji bir metalyň erginini çalmak. *Ussa kümüş gülýakanyň ýüzüne gyzyl çaýdy*. **2**. Ekini çala suwarmak, gandyrman suwarmak. *Ýorunjany çala çaýyp suwardy.*

**ÇAÝMAK** [ça:ýmak] **II**, *syp., gepl.d* Ýeňles, bolgusyz, agras däl (adam hakda). *Çaýmak adam*.

**ÇAÝ-NAHAR** [ça:ý-nahar], *at.* Iýlip-içilýän zatlar, iýmit. *Çaý-nahar taýýar edildi.*

**ÇAÝOJAK** [ça:ýo:jok], *at.* Çaý gaýnatmak üçin kerpiçden, daşdan, palçykdan edilýän kiçijik ojak.

**ÇAÝ-PAÝ** [ça:ý-pa:ý], *at, ser.* **Çaý I**, **3**. *Çaý-paý içmäge biziňkä geldi* ("Edebiýat we sungat").

**ÇAÝPURUŞ** [ça:ýpuruş], *at.* **1**. Çaý satýan, çaý satmak bilen meşgullanýan adam. **2**. *kön.s.* Çaýçy, çaýhanada işleýän, çaýhana işgäri. *Çaýpuruşlar çaý äkeldiler* ("Görogly").

**ÇAÝ-SUW** [ça:ý-suw], *at.* Iýer-içer ýaly zat, çaý-nahar.

**ÇAÝSYRAMAK** [ça:ýsyramak], *işl.* Çaý içesiň gelmek, çaý küýsemek.

**ÇAÝSYRAŞMAK** [ça:ýsyraşmak], *işl.* Çaý içesi gelmek, çaý küýseşmek (birnäçe adam hakda). *Teýli nahardan soň çaýsyraşyp ugradyk.*

**ÇAÝSYRATMAK** [ça:ýsyratmak], *işl.* Çaý içmegi küýsetmek, çaý içmäge isleg döretmek. *Ýaňky iýen güýçli-güýçli naharlarymyz bizi gaty çaýsyradyp başlady.*

**ÇAÝŞANAKLAMAK**, *işl.* Gyşyk basyp ýöremek, çaýşyk ýöremek, aýaklary dogry basman ýöremek. *Ol köçe bilen çaýşanaklap barýardy*.

**ÇAÝŞANAKLATMAK**, *işl.* Aýaklaryňy gyşardyp, çaýşyk-çuýşuk ýöremek.

**ÇAÝŞARMAK**, *işl.* Eýläk-beýläk gyşaryp durmak, çaýşyk bolmak, çaýşarylmak.

**ÇAÝŞARTMAK**, *işl.* Eýläk-beýläk gyşartmak, çaýşyk etmek. *Aýagyňy çaýşartmak.*

**ÇAÝŞARYLMAK**, *işl.* Çaýşyk ýagdaýda bolmak.

**ÇAÝŞYK**, *syp.* Aýagyny dogry basyp bilmeýän, egri, gyşyk basýan. *Çaýşyk ýola sygmaz, akylsyz – gola* (Nakyl).

**ÇAÝŞYK-ÇUÝŞUK**, *syp.* Göni däl, egrem-bugram, gyşyk, çaýşyk. *Iri harplar bilen ýazylan çaýşyk-çuýşuk haty okamaga başladym* ("Edebiýat we sungat").

**ÇAÝŞYKLAMAK**, *işl.* Aýagyňy gyşyk, egri basyp ýöremek, birneme çaýşyk ýöremek. *Ol arkasy ýükli çaýşyklap barýardy*.

**ÇAÝŞYKLATMAK**, *işl.* Aýagyňy çaýşyk basmak; çaýşanaklamaga mejbur etmek. *Aýagyňy çaýşyklatman, gönüräk ýöresene*!

**ÇAÝŞYKLYK**, *at.* Aýagy egrilik, aýagy gyşyklyk, çaýşyk halda bolmaklyk.

**ÇAÝYLMAK** [ça:ýylmak], *işl.* **1**. Çaýmak işi ýerine ýetirilmek. *Altyn çaýylan egmesini ýalpyldatdy*. **2**. Birsydyrgyn ýagty düşmek, ýagty ýaýramak. *Günüň mähirli, mylaýym çogy ene topraga çaýylyp dur* ("Watan"). **3**. Bir zadyň üsti örtülmek, emaý bilen siňmek. *Ýukajyk tozan biziň üstümize çaýyldy*. **4**. Bir alamat aralaşmak, görnüş üýtgemek, öwüşgin emele gelmek. *Göwnüme, solgun ýüzüne nur çaýylyp barýan ýalydy* ("Türkmenistan").

**ÇAÝYR**, *at.* Bogundan köpelip, ýere ýazylyp ösýän bogun-bogun baldakly, inçe ýaprakly haşal ot. *Ertirki gün ýerini çaýyr basyp ýatyr diýseler, men-ä çydaman şo gürrüňe* ("Türkmenistan").

**ÇAÝYRLYK**, *at.* Çaýryň köp gögeren ýeri, giden çaýyr bolup ýatan ýer. *Gök çaýyrlyklaryň üstünde guşlar uçýardy*.

**ÇE** [çe:], Türkmen milli elipbiýiniň ″Ç″ harpynyň ady.

**ÇEBIŞ** [çeviş], *at.* Alty aýdan on bir aý aralygyndaky ýaşyna ýetmedik owlak.

**ÇEBIŞOTARAN** [çevşotoron], *at, ösüml.d.* Saýawanlylar maşgalasyna degişli düýbi kösükli, iri ýaprakly otjumak ösümlik.

**ÇEBŞEK** [çevşek], *at.* **1**. Towşanyň çagasy. **2**. Gyza dakylýan at.

**ÇEÇEK**, *at, kön.s.* Gül. *Jerenler çeçeklerden otlap ýörer erdi* (″Leýli – Mejnun″).

**ÇEÇEN**, *at, ser.* **Çeçenler**.

**ÇEÇENLER**, *at.* Russiýa Federasiýasynyň Çeçen Respublikasynyň esasy ilatyny düzýän halk.

**ÇEH** [çe:h], *at, ser.* **Çehler**. *Çeh dili*.

**ÇEHLER** [çe:hler], *at.* Çehiýanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**ÇEK** [çe:k], *at.* **1**. Bankdaky ulanylýan hasapdan belli bir mukdardaky puly almaga hukuk berýän kagyz. **2**. Haryt üçin kassa tölemeli puluň mukdary bellenen kagyzjyk, şonuň ýaly-da satyn alnan haryt üçin tölenen puluň bellikli kagyzy.

**ÇEKDIRILMEK I**, *işl.* **1**. Biriniň üsti bilen çekmek işi edilmek. *Oba tok çekdirildi.* **2**. Uzak döwre dowam etdirilmek. *Şeýle-de bolsa, bu iş uzaga çekdirilýärdi* (″Edebiýat we sungat″).

**ÇEKDIRILMEK II**, *ser.* **Çekilmek II**, **1**.

**ÇEKDIRME I**, *iş ady.* Çekdirmek ýagdaýy.

**ÇEKDIRME II**, *at.* Täze öldürilen dowaryň, uly malyň bagry, öýkeni hem-de eti gazanda gowrulyp, şorsuw emele gelenden soň üstüne suw guýlup bişirilýän çorba, nahar. – *Täze soýlan toklynyň çekdirmesi-de gelip ýetdi* (B. Kerbabaýew).

**ÇEKDIRMEK I**, *işl.* **1**. Çekmek işini başga birine etdirmek. **2.** Suratyny, şekilini çyzdyrmak. *Alymyň suratyny çekdirmek.* **3**. Dartdyrmak. *Tanapy çekdirmek*.

**ÇEKDIRMEK II**, *işl.* Gapanda, terezide agramyny başga birine ölçetmek. *Pagta çekdirmek*.

**ÇEKDIRMEK III**, *işl.* Ýüki başga birine daşatmak. *Ol mellegine dökün çekdiripdir*.

**ÇEKE**, *at.* Toýda iki tarap bolup, garşydaş toparyň bir oýunçysynda gizlenen ýüzük, çakgy we ş.m. zady tapmak şerti bilen oýnalýan oýun, çeke-çeke, ýüzük oýny. *Ýetginjekler, ýaşulular çeke oýnamaga başladylar.*

**ÇEKELEME**, *iş ady.* Çekelemek ýagdaýy.

**ÇEKELEMEK**, *işl.* **1**. Eýläk-beýläk çekmek, dartmak, tüýtmelemek. *Iki möjegiň ikisi iki ýandan maslygy çekeleýärdi* (J. Akyýew). **2**. *göç.m.* Birine dürli ýol bilen azar bermek, biynjalyk etmek.

**ÇEKELEMEKLIK**, *iş ady.* Çekelemek ýagdaýy.

**ÇEKELENMEK**, *işl.* **1**. Eýläk-beýläk çekilmek, dartylmak, tüýtmelenmek. **2**. *göç.m.* Birine dürli ýol bilen azar berilmek, biynjalyk edilmek. *Adam diýeniň çekelenip durulsa, gowulyk bolmaz.*

**ÇEKELEŞDIRMEK**, *işl.* Bir ýanyndan çekeläp çykmak, eýläk-beýläk çekelemek, yzly-yzyna çekelemek, çekelemegi gaýtalamak. *Derini çekeleşdirmek.*

**ÇEKELIK**, *at*, *zergär*. Gyzlaryň gupbaly tahýasynyň iki çekge hem-de ýeňse tarapyna dakyp, dört örüm ýa-da iki örüm saçlarynyň üstünden goýberýän bezeg şaýy.

**ÇEKELEŞIK**, *at.* **1**. Bir mesele barada dörän dawa, jedel, eňekleşik. **2**. Biri-birini iteleşik, eýläk-beýläk dartyşyk. *Oglanlaryň arasynda çekeleşik başlandy.*

**ÇEKELEŞIKLI**, *syp.* Birek-birege düşünişmek ýagdaýyndaky, jedelli. *Ýygnak çekeleşikli geçdi.*

**ÇEKELEŞMEK**, *işl.* **1**. Birnäçe bolup özara jedel etmek, bir zat barada dawalaşmak; eňekleşmek. *Çekeleşip durmaga wagt ýokdy* (A. Nazarow). **2**. Biri-biriňi çekmek, itmek, itelemek. *Bally onuň bilen ýalandan biraz çekeleşdi* (B. Kerbabaýew).

**ÇEKELETDIRMEK**, *işl.* Birine çekelemegi buýurmak, biriniň üsti bilen çekeletmek.

**ÇEKELETMEK**, *işl.* Birine çekelemäge mümkinçilik bermek, çekelemegine ýol bermek. *Derini itlere çekeledipsiň-ow*!

**ÇEKELEÝIŞ**, *iş ady.* Çekelemek ýagdaýy.

**ÇEKELIK**, *at, zergärç.* Türkmen gyzlarynyň tahýa iltäp, iki dulugyndan, çekgesinden sallap dakynýan kümüşden bezeg şaýy.

**ÇEKENE**, *at.* Aýry-aýry hojalyklaryň goýundyr geçisi toplanyp bakylýan süri, şahsy ownuk mallaryň sürüsi. *Olardan has aňyrda obanyň çekenesi gök otlukda agyp-dönüp, sonarlap ýördi* (″Edebiýat we sungat″).

**ÇEKER**, *at.* **1**. Gap-gaç, kitap, depder, galam ýaly hat-ýazuw enjamlary salynýan tahyl, çekme. *Ol birdenkä-de ýerinden turup, şkafyň ýanyna bardy, onuň ýokarky çekerini çekip, ejesiniň köne gapjygyny aldy* (B. Kerbabaýew). **2**. *gepl.d.* Bäşataryň, awtomatyň oky nile sürýän we atylan peşeňi nilden çykarýan bölegi. *Çekerini şakyrdadyp bäşatara ok sürýär* (″Edebiýat we sungat″).

**ÇEKEÝIK**, *at, ser.* **Çekik**.

**ÇEKGE**, *at.* Ýüzüň ýaňakdan ýokarky, gulagyň öň ýanyndaky bölegi, gulak bilen gözüň arasy.

◊ **Çekgesine bermek** çekgesine şarpyk çalmak, urmak.

**ÇEKGI**, *at, deňizç.* Suwdan dartylyp çykarylanda, kürek elden sypmaz ýaly, onuň sapynyň ýokarky ujuna keseligine kakylýan agaçjyk.

**ÇEKI**, *at.* Eýerdir gaňňa salynýan mallaryň bilinden aýlap, çekilip berkidilýän, eýer-gaňňany arkada saklaýan gaýyş ýa-da ýüp.

**ÇEKIÇ**, *at.* Demir süýmek, ýençgilemek, çüý we ş.m. kakmak üçin ulanylýan, agaç saply, bir tarapy dabanly, beýleki tarapy inçemik ýasy ussaçylyk guraly. *Şahyr eline çekiç alyp, köz kimin gyzaran açary ýençgilemäge durdy* (G. Kulyýew).

**ÇEKIÇLEME** [çekişleme], *iş ady.* Çekiçlemek ýagdaýy. *Indi işiň diňe çekiçlemesi galdy.*

**ÇEKIÇLEMEK** [çekişlemek], *işl.* Çekiç bilen urmak, ýençgilemek, çekiç bilen kakmak. *Ol çüýi çekiçläp göneltdi*.

**ÇEKIÇLEMEKLIK** [çekişlemeklik], *iş ady.* Çekiçlemek ýagdaýy.

**ÇEKIÇLENMEK** [çekişlenmek], *işl.* Biri tarapyndan çekiç bilen kakylmak, süýülmek, ýenjilmek.

**ÇEKIÇLEŞDIRMEK** [çekişleşdirmek], *işl.* Çekiçläp çykmak, ählisini çekiçlemek, bir ýan ujundan, yzly-yzyna çekiçlemek. *Simi çekiçleşdirip dogralmak*.

**ÇEKIÇLEŞMEK** [çekişleşmek], *işl.* Çekiçlemäge kömekleşmek, çekiç bilen ýenjişmek, kakyşmak. *Ol Amana çelekleri çekiçleşdi*.

**ÇEKIÇLETMEK** [çekişletmek], *işl.* Çekiçlemegi biriniň üsti bilen başga birine etdirmek.

**ÇEKIÇLEÝIŞ** [çekişleýiş], *iş ady.* Çekiçlemek ýagdaýy.

**ÇEKIÇLÄBERMEK** [çekişlä:vermek], *işl.* Çekiçläp başlamak, çekiç bilen ýenjip, urup, kakyp başlamak.

**ÇEKIJI**, *at, ser.* **Çekimçi**.

**ÇEKIK** [çeki:k], *at,* Geçiguşa meňzeş gara guýrukly kiçijik guş.

**ÇEKILIŞMEK**, *işl.* **1**. Durlan ýerden yza süýşmek, yza çekilmek. **2**. Köpçülik bolup gitmek, azalmak, kemelişmek. *Gelýän myhmanlar çekilişipdi*. **3**. Öňki bolşundan horlanmak, terligi, dolulygy egsilmek; süllermek, salparmak.

**ÇEKILMEK I**, *işl.* **1**. Dartylmak. *Atlaryň jylawy çekildi.Dutaryň kirişleri çekildi*. **2**. Geçirilmek. *Ekin meýdanlaryň töwereginde zeý kanallary çekildi*. **3**. Dönmek, dolanmak, öwrülmek. *Duşman yzyna çekilip ugrady*. **4**. Ugrukdyrylmak, höweslendirmek. *Ýaşlaryň aglabasy kitap okamaga çekildi* ("Edebiýat we sungat"). **5.** Içiňe sorulmak. *Indi kän bir çilim çekilmeýär*. **6**. Tesmek, yza süýşmek. *Ol gaýra çekildi*. **7**. Tutulmak, gerilmek. *Ýer bilen asmanyň arasynda bir hili melemtil ak perde çekilen ýalydy* (B. Seýtäkow). **8**. Suraty, şekili çyzylmak. *Täsin suratlar çekildi*. **9**. *göç.m.* Horlanmak, inçelmek. *Aglamakdan ýaňa onuň gözleri çişip, duluklary çekilipdi* (Ý. Durdyýew).

**ÇEKILMEK II**, *işl.* Terezide, gapanda agramy ölçelmek, agyrlygy kesgitlenmek, bilinmek. *Birbada gapanda ganarlaryň üçüsi çekildi*.

**ÇEKILMEK III**, *işl.* **1**. Biri tarapyndan bir ýerden başga ýere eltilmek, daşalmak. *Ýollara çagyl çekilýär. Ol: "Odunam çekilip görlendir, malyňam bakylmadygy ýokdur" diýdi.*

**ÇEKIM I**, *at.* Terezide, gapanda önümleri, zatlary ölçeýiş, agramyny kesgitlemeklik. *Kakamyň çekime gidenine dört-bäş gün geçipdi* ("Edebiýat we sungat").

**ÇEKIM II**, *at.* Geýim içliklenip tikilende ýa-da iki matanyň arasyna pamyk, ýüň ýaly zatlar salnanda, gapjap tikilýän tikiniň bir görnüşi. *Ýorganyň çekimi örän gyradeň düşüpdir*.

**ÇEKIM III**, *at, sazç.* Bagşyçylyk ýollaryna mahsus tilsim.

**ÇEKIMÇI**, *at.* Zadyň agramyny çekýän adam we onuň wezipesi. *Çekimçi näçe jan edip işlese-de, iş önenok* ("Edebiýat we sungat").

**ÇEKIMÇILIK**, *at.* Çekimçiniň wezipesi, işi, käri.

**ÇEKIMLI**, *syp., dil b.* 1. Agyz boşlugyndan howanyň päsgelçiliksiz çykmagy bilen, sap owazdan emele gelýän ses. *Çekimli sesler*. 2. Agramy çekilip satylýan.

**ÇEKIMSIZ**, *syp., dil b.* Owaz bilen galmagalyň gatyşmagy, howanyň süýkeşip geçmegi bilen emele gelýän ses. *b, g, d, ý çekimsiz seslerdir*.

**ÇEKINDIRMEK** [çekinnirmek], *işl.* Üýşendirmek, bir sebäpden gorky-ürki duýdurmak.

**ÇEKINJEŇ**, *syp.* Utanjaň, ýygra, uýaljaň; töwek-gel däl.

**ÇEKINJEŇLIK**, *at.* Utanjaňlyk, ýygralyk, uýal-jaňlyk; batyrgaý dällik, ýaýdançlylyk. *Oba gyzlaryna mahsus bolan çekinjeňlik bilen biziň öňümize çaý getirip goýdy* ("Türkmenistan").

**ÇEKINMEK I**, *işl.* **1**. Bir sebäbe görä utanmak, uýalmak, ýygralyk etmek; ýaýdanmak. *Çekinip ýörmek gerek däl, başga gelenleri kabul edýän bolsalar, senem kabul ederler* (A. Gowşudow). **2**. Ätiýaç etmek, birneme gorkmak, heder etmek, eýmenmek. *Ol Ärhasany uzak ýola ýeke goýbermäge çekinýärdi* ("Görogly").

**ÇEKINMEK II**, *işl.* **1**. Özüň üçin tikinmek, özüňe tikmek. *Ýorgan çekinmek.* **2**. Örtünmek, ýapynmak. *Üstüňe ýorgan çekinmek.*

**ÇEKINMEK III**, *işl.* Özüň üçin çekip almak. *Gapyrjakdaky üzümden geregiňi çekin-de alaý*.

**ÇEKIRTGE**, *at.* Ganatlylar toparyndan bolup, jyrryldyly ses bilen towusýan, uçýan, oba hojalygyna zyýanly mör-möjek.

**ÇEKIRTGELIK**, *at.* Çekirtgäniň köp bolýan wagty, ýyly, ýeri. *Çekirtgelik ýyly*.

**ÇEKIŞDIRMEK I**, *işl.* **1**. Käbir ýerlerini çalarak çekmek, yzly-yzyna çekip çykmak. *Gara öýüň ortasyndaky ojakda alawlap ýanýan otdan nazaryny*

*sowman oturan ýaşy elli çemesi, süňkbaşy iri, ýüzi nurana kişi egnine ýasgynjak atynan possunynyň ýakalaryny çekişdirip, syýyny ýygnap, has-da tijendi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Älem içre at gezer", 9 s.). **2**. Bir ýere süýşürişdirmek, hemmesini daşaşdyrmak. *Myhmanlaryň öňüne çaý-nahar çekişdir.*

**ÇEKIŞDIRMEK II**, *işl.* Ähliisini çekip çykmak, ölçeşdirmek, yzly-yzyna çekip agramyny bilmek. *Ol gapanda kelemi çekişdirdi*.

**ÇEKIŞME**, **1**. *iş ady.* Çekişmek ýagdaýy. **2**. *at.* Bir mesele barada edilýän jedel; pikir alyşma. *Ol çeper edebiýatyň dürli meselelerine degişli çekişmelerine gatnaşardy* (H. Ysmaýylow).

**ÇEKIŞMEK I**, *işl.* **1**. Çekmäge kömekleşmek, daşamaga, tikmäge kömek etmek. *Oňa taranyň gowşan açym ýüpüni çekişdi. Kakama ýyglan garpyzlary çekişdim.* **2**. Bilelikde çekmek, birnäçe bolup çekmek. *Gyzlar ýorgan çekişip otyrdy*.

**ÇEKIŞMEK II**, *işl.* **1**. Agramyny çekmäge kömek etmek. *Terezide satyja tüwi çekişmek*. **2**. Bir zadyň agramyny bilelikde ölçeşmek, köpçülikleýin ölçeşmek. *Adamlar gapanda pagtadan doly ganarlary çekişip durdular*.

**ÇEKIZE** [çeki:ze], *at.* Gatygyň haltada süzülen we suwy sarygan goýy galyndysy, süzme görnüşli önüm.

**ÇEKIZELI** [çeki:zeli], *syp.* Içinde çekize bolan, içine çekize salnan. *Çekizeli ak haltadan turşy damja damyp dur* (K. Gurbannepesow).

**ÇEKJERI**, *at, haýwanat d.* Bir ýaşyndaky ýabany doňuz.

**ÇEKME**, **1**. *iş ady.* Çekmek ýagdaýy. **2**. *at, ser.* **Çeker 1**. *Jaýyň eýesi stoluň çekmesinden ýogyn gyzyl galam çykardy* (B. Seýtäkow).

◊ **Çekme ädik** uzyn gonçly ädik.

**ÇEKMEK I**, *işl.* **1**. Bir zady özüňe tarap dartmak, özüňe ýakynlatmak, golaýyňa süýşürmek. *Gelin iki eli bilen ädikden ýapyşdy, ony ysgynsyz çekdi* (G. Kulyýew). **2**. Belli bir wagta çenli dowam etmek. *Biziň gürrüňimiz uzaga çekdi* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Geçirmek, eltmek, bir nokatdan ikinji nokada geçirmek (radio, çyra, telefon we ş.m. hakynda). *Gaz geçirijisini çekmek. Tok çekmek. Telefon çekmek.* **4**. Gatnaşmaga ýagdaý döretmek, bir zadyň hataryna girizmek, goşmak, gatnaşdyrmak. *Ýaşlary oba hojalyk işine çekmek.* **5**. Içiňe sormak, dartmak (çilim we ş.m. hakynda). *Ol çilim çekdi*. **6**. Daş keşbi, gylyk-häsiýeti boýunça çalym etmek, meňzemek. *Mal eýesine çekmese – şumluk* (Nakyl). *Ol ...kakasyna çekipdir* ("Edebiýat we sungat"). **7**. El bilen süýüp almak, süýmek, pileden uç alyp, ýüpek etmek (ýüpek hakynda). *Garry ene ýüň egirýär, gulaç dokaýar, onuň-munuň ýüpegini çekip berýär* (A. Gowşudow). **8**. Ýüzüni syramak, töwerekleýin aýlap tikmek (ýorgan hakynda). *Hawa, oglum, indi bir aýlap çekäýmesi galdy* (A. Durdyýew). **9**. Açyk zady ýapmak, ýapyp-açmak, özüňe dartmak, öňki ýerine eltmek. *Ol yzy bilen gapyny çekdi. Ýelli haty hem alyp, içki jaýa girip, işigi çekdi* (A. Gowşudow). **10**. Döl almak maksady bilen mallary çakyşdyrmak, höwre goýmak. *Görogly Arabyň atyny özüniň tohum gylýalyna üç sapar çekdi* ("Görogly"). **11**. Biriniň ýa-da bir zadyň şekilini kagyzyň, matanyň we ş.m. ýüzüne geçirmek. *Nakgaş gyzlary uly söýgi bilen çekipdir* ("Edebiýat we sungat"). **12**. Bir zadyň daşyna sim, haýat we ş.m. aýlamak. *Mellegiň töweregine maldan goramak üçin tikenekli sim çekmek*. **13**. *sazç*. Bagşyçylyk ýollaryna mahsus bolan çekim tilsimini ulanyp, has ýokary depgine çykmak üçin dutaryň kirişlerini birneme dartmak. **14**. Öňki derejesinden egismek, azaltmak, kemeltmek. *Sygrymyz süýdüni çekipdir*. **15**. Kömekçi işlik hyzmatynda ýanaşyk gelýän atlaryň manysy bilen baglanyşykly hereketi aňladýar: **Azap çekmek** köp azap etmek. **Dert çekmek** uzak wagtlap keselläp ýatmak. **Zähmet çekmek** işlemek.

**ÇEKMEK II**, *işl.* Terezide, gapanda bir zadyň agramyny ölçemek.

**ÇEKMEK III**, *işl.* **1**. Ýüki başga ýere eltmek, daşamak. *Kejebäni çekmäge ak maýa gerek* (Halk aýdymyndan). *Soňra bedreläp suw çekdi* (B. Seýtäkow).

**ÇEKREME** [çekireme], *iş ady.* Çekremek ýagdaýy.

**ÇEKREMEK** [çekiremek], *işl.* Sandyrawuk çirkin sesli mälemek (geçi hakynda). *Şol ýerde goýun bakyp ýören çopanlar, geçiniň çekreýän sesini eşidip, gelip ony gurrukdan çykarypdyrlar* ("Türkmen halk ertekileri"). – *Aýu, oglum, mäläp geçen geçi çekräp dur-la, hol bedredäki suwy görkezsene – diýipdir* ("Türkmenistan").

**ÇEKREMEKLIK** [çekiremeklik], *iş ady.* Çekremek ýagdaýy.

**ÇEKREŞMEK** [çekireşmek], *işl.* Ýerli-ýerden mäleşmek, köp bolup çekremek.

**ÇEKRETMEK** [çekiretmek], *işl.* Çekremäge mejbur etmek, çekrär ýaly etmek. *Geçini suwsuz goýup çekretmek*.

**ÇEKREÝIŞ** [çekireýiş], *iş ady.* Çekremek ýagdaýy. *Onuň çekreýşi owlagyňka meňzeşdi.*

**ÇEKÜW**, *at, ser.* **Çekim**. *Çeküw daşy.*

**ÇELEK**, *at.* **1**. Içine suwuklyk goýulýan, bili demir gurşawly agaç ýa-da gap. *Ol çuňňur pikirlere gark bolup, pagta bazanyň uly terezileriniň biriniň gapdalynda ýatan boş demir çelegiň üstüne çökenini-de bilmedi* ("Türkmenistan"). **2**. Içine zat salar ýaly tagtadan edilen dört burç gapyrjak. – *Bir çelek üzüm hem getiripdim – diýdi* (A. Gowşudow). **3**. Kombaýnyň ýygýan önüminiň ýygnanýan ýeri. *Kombaýn eýýäm bir gezeg-ä çelegini maşyna guýdy. Ýene bir çelekden köp çykjakdygy meýdanyň galan ýerlerindenem bildirip dur* ("Türkmenistan").

**ÇELEKÇI**, *at.* Çelek ýasaýan adam, çelek ussasy.

**ÇELGI** [çelği] **I**, *at.* Ýolsuz ýerlerde azaşmazlyk üçin goýulýan ýol görkeziji bellikler.

**ÇELGI** [çelği] **II**, *at.* Gara öýüň gapysynyň daş ýüzünden gamyşdan örülip tutulýan örtgi, gamyş tuty, gamyşdan tarpýapar.

**ÇELIKMEK**, *işl.* Käbir iýilýän zatlardan irmek, bizar bolmak; mädäňe degmek.

**ÇELPEK**, *at.* Hamyrmaýa goşulmadyk hamyrdan, örän ýuka ýaýylyp, gyzgyn gazanda azajyk ýag bilen syrylyp bişirilýän milli tagam. *Onuň toýlarda ýapýan çelpegini iýen adamyň agzyndan tagamy gitmeýär* ("Türkmenistan").

◊ **Çelpek syrmak** toý däbine görä, gelin atasy öýüne ýa gaýynlaryna gaýtarylanda, ýapylýan çelpekden duýdansyz el urup alyp gaçmak. *Oslagsyz zamanda gapydan girip, Gaçdylar gazanyň çelpegin syryp* (B. Kerbabaýew). **Çelpek ýaly** ýukajyk, kiçijik.

**ÇELTIK**, *at.* Tüwiniň içinde arassalanman galan şaly we gaýry däneler. *Ol tüwiniň ýek-tük çeltigini, iki-ýeke gara dänesini saýlaýardy.*

**ÇEM**, *at.* Oňaýly ýagdaý, pursat, maý.

◊ **Çem gelen** her duş gelen, her ýeten, öňden çykan. **Çemine düşmek** bir iş, mesele şowly çözülmek, amatly ýagdaý döremek; aňsatlyk bilen iş ýüzüne geçmek, ýerine ýetmek. *Ol meseläniň beýle çözülmegi çemine düşen bir zat boldy.* **Çemine salmak** amatly ýagdaýyny, wagtyny tapmak, pursat arap ele salmak. *Ol baran badyna bir iş edibermedi-de, çemine salmagy ýüregine düwdi* (A. Gowşudow). **Çemini tapmak** ugruny, ýagdaýyny bilmek.

**ÇEMÇE**, *at.* **1**. Nahar iýmek üçin ulanylýan we şol maksat bilen ýörite ýasalýan saply gural, kaşyk, galam. *Birje çemçe şorja serçe çorbasy* (Ýaňyltmaç). **2**. Öýüň tüýnüginde çemçä meňzeş edilip goýulan agaçlar.

◊ **Gezekli çemçe** her bir işde, durmuşda birek-birege “gezek geler, işiň düşer” manysynda ulanylýan aňlatma.

**ÇEMÇE-ÇANAK** [çemçe-ça:nak], *at.* Gap-gaçlaryň jemi. *Ol çemçe-çanaklary ýuwuşdyryp goýdy.*

**ÇEMÇEGÖL** [çemçeğö:l], *at.* Halynyň, torbanyň we ş.m. zatlaryň gyrasyna salynýan ownuk göl.

**ÇEMÇELEME**, *iş ady.* Çemçelemek ýagdaýy.

**ÇEMÇELEMEK**, *işl.* Çemçe bilen almak, çemçe bilen alyp iýmek.

◊ **Çemçeläp ýygnanyňy çanaklap dökmek** diş-dyrnak bolup artdyran, toplan, tygşytlan zadyny dereksiz harç etmek, soňuna çykmak, oýlanman bisarpa harçlamak; uzak döwrüň dowamynda az-azdan toplanan zady birbada ýok etmek (abraý, dereje barada). *Siz meniň çemçeläp ýygnanymy çanaklap dökdürdiňiz diýip, mäjumlanan sanajy ýere bulap urdy* (B. Kerbabaýew).

**ÇEMÇELEMEKLIK**, *iş ady.* Çemçelemek ýagdaýy.

**ÇEMÇELEÝIŞ**, *iş ady.* Çemçelemek ýagdaýy.

**ÇEMÇETORBA** [çemçeto:rvo], *at.* Duldan asylyp, çemçe we ş.m. zatlar salmak üçin ulanylýan aşagy seçekli, iki gapdaly bagly, ýüzüne nagyş salnyp dokalan ýörite torba.

**ÇEME**, *at.* Iş we ş.m. etmäge gerek bolan amatly, oňaýly ýagdaý, mümkinçilik, maý, amat. *Haltany galdyrmaga çemäm ýok.*

◊ **Çemesine gelmek** amatly ýagdaý, gerekli wagt döremek, amatly maý ýüze çykmak. *Çemesine gelse, men oňa duýduraryn.*

**ÇEMEÇI**, *syp.* Bir iş etmekde amatly pursady elden bermeýän (adam).

**ÇEMEÇIL**, *syp.*, *ser.* **Çemeçi**.

**ÇEMEÇILIK**, *at.* Amatly pursatdan peýdalanmak ukyby, mümkinçiligi peýdalanmak täri.

**ÇEMEDAN** [çemeda:n], *at.* Geýim-gejim we ş.m. zatlar salynýan agzy gapakly dörtburç gap. Magtym çemedany göterip, heniz içgin tanyşmadyk myhman bilen gapdallaşyp, öýlerine gaýtdy (N. Pomma).

**ÇEMELEME**, *iş ady.* Çemelemek ýagdaýy.

**ÇEMELEMEK**, *işl.* Taýýarlap goýmak, niýetlemek. *Bahar ikinji okajak zadyny çemeläp otyrdy* (A. Gowşudow).

**ÇEMELEMEKLIK**, *iş ady.* Çemelemek ýagdaýy.

**ÇEMELENMEK**, *işl.* Bir iş, zat etmäge häzirlenmek, taýýarlanyp durmak, meýillenmek; wagt aramak. *Ol bärden ýuwaşlyk bilen boýnuny uzadyp, elindäki kesegini zyňmaga çemelendi* (Ö. Abdyllaýew).

**ÇEMELEŞME**, *iş ady.* Çemeleşmek ýagdaýy.

**ÇEMELEŞMEK**, *işl.* Bir zady ýerine ýetirmäge synanyşmak, şol işe girişmek. *Maksatnamada göz öňünde tutulýan sepgitler bizden işe has jogapkärçilikli çemeleşmegi talap edýär* ("Türkmenistan").

**ÇEMELEŞMEKLIK**, *iş ady.* Çemeleşmek ýagdaýy.

**ÇEMELEÝIŞ**, *iş ady.* Çemelemek ýagdaýy.

**ÇEMELI I**, *syp.* Ýanyňa götermäge, ulanmaga, peýdalanmaga we ş.m. amatly, oňaýly, eliňe gelip duran, çemli. *Oýna çemeli ýer agtaryp, eline ýüp aldy* (R. Gelenow).

**ÇEMELI II**, *hal.* **1**. Bolsa gerek, ähtimal. *Köp elden-ele geçip okalan bolara çemeli* (N. Saryhanow). **2**. Takmynan, töwereginde, çeninde. *Gelen altmyş ýaşlar çemeli daýanykly bir adamdy.*

**ÇEMEN**, *at.* **1.** Baglanan gül dessesi. *Ol çemenler çigildem bilen jümjüme gülünden baglanypdy* (A. Gurbanow). **2**. Gyza dakylýan at.

**ÇEMENLIK**, *at.* Otluk we dürli-dürli gülli ösümlikli ýerler, çemenzarlyk, öleňlik. *Töwerekde çemenlik we ekin meýdanlary gök öwüsýär.*

◊ **Çemenlik ýorunja** boýy 30-50 *sm* ýetýän köpýyllyk ýabany derman ösümligi.

**ÇEMESINDE** [çemesinne], Çeninde, töwereginde manysynda ulanylýan sözsoňy kömekçi. *Oturgyçda otuz ýaşlar çemesinde ak ýüzli, owadan gözli, sakgalyny çykyşyna öz erkine goýberen bir adam otyrdy* (A. Gowşudow).

**ÇEMESIZ**, *syp.* **1**. Oňaýsyz, amatsyz. *Meniň ýatan ýerim çemesizdi, hiç zat görnenokdy.* **2**. Çemesi bolmadyk, oňaýsyz, tagaşyksyz. *Çemesiz kätmen*.

**ÇEMENZAR** [çemenza:r], *at, ser.* **Çemenlik**. *Ýoluň iki ýan gyrasy çemenzarlykdy.*

**ÇEMLI I,** *syp., ser.* **Çemeli I**. *Çäýnek ne uly, ne-de kiçidi, ulanmaga gaty çemli eken.*

**ÇEMLI II**, *syp, ser.* **Çemeli II**. *Ol eýýäm giden bolara çemli*.

**ÇEMMER**, *at.* Howut berk durar ýaly düýäniň garnynyň aşagyndan, öň aýaklarynyň yzyndan alnyp daňylýan ýüp. *Düýe çökerip, çemmer işme* (Nakyl).

**ÇEMMERLEME**, *iş ady.* Çemmerlemek ýagdaýy.

**ÇEMMERLEMEK**, *işl.* Düýäniň howudynyň çemmerini çekip daňmak, çemmerini çekip berkitmek.

**ÇEMMERLEMEKLIK**, *iş ady.* Çemmerlemek ýagdaýy.

**ÇEMMERLENMEK**, *işl.* Biri tarapyndan çemmeri çekilmek, çemmeri berkidilmek.

**ÇEMMERLEŞMEK**, *işl.* **1**. Çemmer çekmäge kömekleşmek, çemmer çekişmek. **2**. Birnäçe bolup bilelikde çemmerlemek. *Olar düýelerini çemmerleşip dur*.

**ÇEMMERLETMEK**, *işl.* Çemmerlemegi başga birine buýurmak. *Kerwene ugrajak erkegi çemmerletmek.*

**ÇEMMERLEÝIŞ**, *iş ady.* Çemmerlemek ýagdaýy.

**ÇEMPION** [çempio:n], *at, sport.* Birinjilik ugrundaky sport ýaryşlarynda üstün çykan sportsmene berilýän at, şonuň ýaly-da şol ada mynasyp bolan adam, topar; ýeňiji. *Dünýäniň çempiony.*

**ÇEMPIONAT** [çempiýona:t], *at, sport.* Sportuň haýsy hem bolsa bir görnüşi boýunça birinjilik almak ugrunda ýeňiji türgeni ýa-da topary we soňky ikinji, üçinji orunlarynyň eýelerini anyklamak maksady bilen geçirilýän resmi ýaryş. *Dünýä çempionaty.*

◊ **Açyk çempionat** sportuň haýsy hem bolsa bir görnüşi boýunça ýaryşa gatnaşmaga erkin hukugy bolan türgenleriň ýa-da toparlaryň arasynda birinji we ikinji, üçünji ýerleri almak boýunça geçirilýän resmi ýaryşlar.

**ÇEN**, *at.* **1**. Güman, çak, çaklaýyş. *Onuň çeni dogry çykdy.* **2**. Takmyn, takmynan. *Bu waka çen bilen gyşyň soňky günlerinde bolupdy.* **3**. *ser.* **Çenli**. *Obamyzdan gara ýola çen agaç ekdik*. **4**. Wagt, pursat, möhlet. *Ogly geler çende gelmedik enäniň gözi ýolda galdy.* **5**. Het, çäk, serhet. *Çeniňi bilmek gowy zat*.

◊ **Çenden çykmak (aşmak)** her bir zadyň öz çäginden, bolaýmaly derejesinden geçmek, gaty gitmek. **Çene ýetmek** ýetjek derejesine ýetmek, bolmajysy bolmak, oňlanmaýan gylygy bilen aňrybaş derejä ýetmek. *Olam-a çene ýetipdir, pukara adammyka diýerdik welin, beýle däl bolara çemeli, gözi ýer görenok.* **Çeniňi bilmek (tanamak)** öz iş salyşjak zadyň aňyrsyna-bärsine kemsiz göz ýetirmek. *Her kes çenini bilse ýagşy.* **Çen tutmak (urmak)** çenlemek, takmynan, kesgitlemek, çak etmek; bir zat bilen deňeşdirmek. **Bir çene barmak** ep-esli ýaşamak, köp ýaşamak (adamyň ýaşan ýaşy hakda). *Ol ýaşy birçene baran adamdy*.

**ÇEN-ÇAK**, *at.* Her bir zadyň belli bir çägi, serhedi; ölçeg. *Herki zadyň çeni-çaky bar* (N. Saryhanow).

**ÇENDAN** [çenna:n], *hal.* Kämahal, käwagt, her daýym, çendan-ýarym, käte. *Men ony şäherde çendan görerdim, Göremde her gezek köp begenerdim* (A. Kekilow).

**ÇENDAN-ÝARYM** [çenna:n-ýa:rym], *hal, ser.* **Çendan**. *Men ol hakda-da çendan-ýarym oýlanýardym* ("Edebiýat we sungat").

**ÇENDENAŞA** [çennena:şa], *hal, ser.* **Çakdanaşa**. *Çendenaşa läliksiredilen çagalar ynjyk bolýarlar.*

**ÇENELMEK**, *işl.* Biri tarapyndan nyşana alynmak.

**ÇENEME**, *iş ady.* Çenemek ýagdaýy. *Onuň tüpeň çenemesiniň sebäbi düşnüksiz bolup galdy.*

**ÇENEMEK**, *işl.* **1**. Nyşana almak, gezemek, dogrulamak, gönülemek. *Tüpeňi dogry çenäp atdy*. **2**. Bir zadyň ululygyny ýa-da kiçiligini ikinji bir zat bilen deňäp görmek, ölçegini deňemek. *Donuň uzynlygyny boýuna çenedi*.

**ÇENEMEKLIK**, *iş ady.* Çenemek ýagdaýy.

**ÇENENMEK**, *işl.* **1**. Çenemek, nyşana almak işini özüň etmek. **2**. Bir zady amala aşyrmaga hyýallanmak, meýil etmek, synanmak; ýüregine düwmek. *Bir zat diýmäge çenendi*.

**ÇENEŞMEK**, *işl.* Ýerli-ýerden çenemek, birnäçe bolup nyşana almak.

**ÇENETMEK**, *işl.* Birine ýarag çenemegi buýurmak, nyşana aldyrmak; deňetmek. *Tüpeňi çenetmek. Köýnegiň ýeňiniň uzynlygyny çenetmek.*

**ÇENEÝJI**, *at.* Topy we ş.m. ýaragy nyşana dogrulaýan urşujy, nyşana alyjy.

**ÇENEÝIŞ**, *iş ady.* Çenemek ýagdaýy.

**ÇENLEME**, *iş ady.* Çenlemek ýagdaýy.

**ÇENLEMEK**, *işl.* **1**. *ser.* **Çaklamak**. **2**. *ser.* **Çenemek**.

**ÇENLEMEKLIK**, *iş ady.* Çenlemek ýagdaýy.

**ÇENLENMEK**, *işl.* Çen edilmek; takmyny goramyny ölçemek. *Hemme zatlar oýlanyp çenlendi.*

**ÇENLEÝIŞ**, *iş ady.* Çenlemek ýagdaýy. *Myradyň çenleýşi dogry bolup çykdy. Munça zady çenläp bilip bolmaz.*

**ÇENLI**, Wagt möçberini ýa-da iki zadyň aralygyny görkezýän kömekçi söz. *Şu wagta çenli. Ertire çenli. Oba çenli.*

**ÇENSIZ**, *syp.* **1**. Çeni-çaky bolmadyk, çaksyz, çäksiz. *Daşgynrak daýymyz bolsa-da, biziň ony gowy göräýşimiz çensizdi* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Örän, juda, aşa. *Çöl howasy çensiz salkyn* ("Türkmenistan").

**ÇENSIZ-ÇAKSYZ**, *syp.* Belli bir ölçegi bolmadyk, örän köp, juda kän. *Ol kuwwatyň ölçegi çensiz-çaksyzdy.*

**ÇENSIZ-ÇAKSYZLYK**, *at.* Mukdar, möçber taýdan köplük, san taýdan çäksizlik, örän köplük.

**ÇEŇ**, *at, sazç.* Arfanyň bir görnüşi bolan gadymy saz guraly. *Gulgula düşdi gopuz, hem jyn-jyna düşdi çeň. Çeň şowkundan ol nigär ne nalaga düşdi naý* (Magtymguly).

**ÇEŇK**, *at.* Agaç gaplaryň, çäýnek-käseleriň çat açan ýerine demirden edilýän ilgençek ýama, sep.

**ÇEŇKLEME**, *iş ady.* Çeňklemek ýagdaýy.

**ÇEŇKLEMEK**, *işl.* Jaýryk atan, çat atan agaç we ş.m. zatlara demirden çeňk etmek, çeňk urup berkitmek. *Ussanyň çeňklän çanagyna söz diýer ýaly däldi.*

**ÇEŇKLEMEKLIK**, *iş ady.* Çeňklemek ýagdaýy.

**ÇEŇKLENMEK**, *işl.* Biri tarapyndan çeňk edilmek; çeňk bilen berkidilmek. *Gyrasy çeňklenen çanak.*

**ÇEŇKLEŞDIRMEK**, *işl.* Yzly-yzyna çeňk etmek, çeňkläp çykmak; gaplary çeňkläp çykmak, hemmesini çeňklemek. *Çanakdyr okaralary çeňkleşdirmek.*

**ÇEŇKLEŞMEK**, *işl.* Çanak we ş.m. **1**. Çeňklemäge kömekleşmek. **2**. Birnäçe bolup çeňklemek. *Çanak çeňkleşip otyrlar.*

**ÇEŇKLETDIRMEK**, *işl., ser.* **Çeňkletmek**.

**ÇEŇKLETMEK**, *işl.* Çanak, okara ýaly agaç gaplara çeňk urdurmak, bejertmek.

**ÇEŇKLEÝIŞ**, *iş ady.* Çeňklemek ýagdaýy. *Onuň jaýrylan çanak çeňkleýşi sungat eserine meňzeýär.*

**ÇEŇKLÄBERMEK** [çeňklä:vermek], *işl.* Çeňklemegi dowam etdirmek. *Meniň diýýänlerime gulak gabartman, ol okaralary çeňkläberdi.*

**ÇEŇŇE**, *at, ser.* **Çeňňel**. *Kaknus döw bu wakany görüp, adamzady çeňňesine gysyp, bürgüt gaýan dek bolup, asmana alyp çykdy* ("Hüýrlukga–Hemra").

◊ **Çeňňesine salmak** öz ygtyýaryna geçirmek, tabyn etmek, boýun egdirmek.

**ÇEŇŇEÇ**, *at, kön.s.* Sowuk ýaraglaryň urgusyndan goranmak üçin penjäniň üstünde goýlup, goşaryň aşagyndan tasma bilen daňlyp berkidilýän demirden ýa-da polatdan esbap.

**ÇEŇŇEK**, *at.* **1**. Ujy gaňyrçakly demir ilgençek. *Eti çeňňekden asmak*. **2**. Balyk tutulýan gural, garmak. *Çeňňege balyk ildi*.

**ÇEŇŇEKLIK**, *syp.* Çeňňek etmäge ýaramly.

**ÇEŇŇEL**, *at.* **1**. *gepl.d.* Bäş barmak, penje; gysym. **2**. Belli bir mukdara deň bolan ölçeg birligi. – *Ine, mama jan – diýip, sanaman üç çeňňel teňňäni etegine oklady* ("Görogly"). *Ýene bir çeňňel zer berdi* ("Saýatly – Hemra").

**ÇEP**, *syp.* **1**. Sagyň garşysyndaky tarap, sol. *Sygryň sag şahy çep, çep şahy sag* (Ýaňyltmaç). *Sürini çepinden baryp dolajak bolýan çopandan çopan bolmaz* ("Türkmenistan"). **2**. *göç.m.* Dost däl, aralaryna tow düşen, ters, tersleşen, öýke-kineli. *Ol ikisi çepdir*.

◊ **Çep bolmak** biri bilen aragatnaşygy kesmek, ýüz sowup, kine saklap, gepleşmän ýörmek. *Ýüzün sowup, gep alyşmaz çyn ärler, Bir söý bilen ýagşy dosty çep bolsa* (Magtymguly). **Çep elden gelmek** hiç bir kynçylyksyz, aňsatlyk bilen ýerine ýetirmegi başarmak, el ujundan etmek. **Çep göz bilen garamak (seretmek)** kembaha garamak, göwni ýetmezlik etmek, kemsitmek, mynasyp baha bermezlik. **Çepine düşmek** pikir edilişinden tersine bolup çykmak, çaklanyşyndan başgaça bolmak, şowuna düşmezlik, ugruna bolmazlyk. **Çepine tutmak** tersine tutmak, keçjelik etmek. **Çepine ýatyp turan ýaly** edýän hereketi, sözleýän sözi ugursyz, bolar-bolmaz. *Seniň bir hili çepiňe ýatyp turan ýalylygyň bar ýaly-la* (B. Kerbabaýew).

**ÇEPBE**, *at.* Bir zadyň ýa-da ýagdaýyň amatsyz, ters tarapy, tersi, garaşylýan ýagdaýyň oňaýsyz tarapy, tersi.

◊ **Çepbe çeýnemek** bol-elin, ünjüsiz, gamsyz iýmek, emgenmän iýip-içip ýörmek. *Olar agyzlarynyň gyllygyny akdyryp, çebiş etini çepbe çeýneýärler* (B. Kerbabaýew). **Çepbe çöwürmek** bir zady ters tarapyna öwürmek, düýpgöter üýtgetmek. *Wagt örän geň zat. Ol geçýär-de, birden ähli zady çepbesine çöwürýär oturyberýär* ("Türkmenistan").

**ÇEPBEKEÝ**, *syp.* **1**. Işi çep eli bilen etmäge endik eden, işi çep eli bilen edýän. *Ýöne "Han çepbekeý" diýip eşidýäris* (N. Saryhanow). *Çepbekeýiň çemi ýok, eden işiniň kemi ýok* (Nakyl). **2**. Çep el ýa-da sag aýak bilen (pil hakda) işlemek üçin niýetlenip ýasalan. *Çepbekeý pil. Çepbekeý orak.*

**ÇEPBEKEÝLEMEK**, *işl.* Çep el bilen ýerine ýetirmek, çep el bilen hereket, iş etmek. *Hanmämmet gyjakçy çepbekeýläp çalar eken.*

**ÇEPBEKEÝLIK**, *at.* Çepbekeýiň ýagdaýy, işi, çep eliň bilen ýerine ýetirmeklik.

**ÇEPBETOW**, *at.* Gyzyl, sary, gara çyzmyklary emele getirmek üçin ýedi görnüşde ýüwürdilen erişli we tarada gara argaç kakylyp dokalýan mata.

**ÇEPEK**, *at.* Galyň teletinden, sanaçdan ýa-da çekiden we ş.m. taýýarlanylýan, dabanyň aşagyny tutup duran, üsti açyk, bagjykly, tomsuna geýilýän iki ýany gulakly aýakgap, ýelken. *Sen şu çölde menden köpräk çepek tozduransyň* (Ý. Mämmediýew).

**ÇEPEKLIK**, *syp.* Çepek etmek üçin niýetlenen (galyň teletin ýa-da içinden sapak geçirilen rezin).

**ÇEPER**, *syp.* **1**. Öz işine ökde, işi ussatlyk bilen ýerine ýetirýän, ussat. *Örän çeper kişiniň elinden çykan tahýa*. **2**. Ökdelik bilen edilen, ussatlyk bilen ýerine ýetirilen, nepis. *Bürünçden edilen çeper önümler uly meşhurlyk gazanypdyrlar.* **3**. Durmuşy, hakykaty duýgy öwüşgini bilen beýan edýän, täsirli şöhlelendirýän (edebi eser barada). *Çeper eser*. *Atalar sözleridir nakyllar örän çeper görnüşde düzülensoň, ýatda galyjy bolýar* ("Watan"). **4**. Gyza dakylýan at.

**ÇEPERÇILIK**, *at, ser.* **Çeperlik**.

**ÇEPERLIK I**, *at.* Ownuk malyň ýokarky äňiniň büdür-südür aşak tarapy.

**ÇEPERLIK II**, *at.* **1**. Bir işi ökdelik, ussatlyk bilen ýerine ýetirijilik, çeperçilik, ussatlyk. *Çeperlikde saňa taý tapylmaz*. **2**. Durmuşy, hakykaty çeper beýan edijilik, obrazlylyk, täsirlilik, çeperçilik. *Eseriň çeperligi ýokary derejede bolmalydyr.*

**ÇEPIKSI**, *syp.* Inçeden gelen kiçi, hortap, daýaw däl. *Çepiksi pyýada.*

**ÇEPIKSILIK**, *at.* Çepiksi halda bolmaklyk, hortaplyk, inçeden hortaplyk. *Çepiksilik oňa gelişmän duranokdy.*

**ÇEPLEŞMEK**, *işl.*, *kön.s.* Tersleşmek. – *Eý, men Göroglynyň Öwez diýen serdarydym. Onuň bilen çepleşdim* ("Görogly").

**ÇERBIÝE** [çerviýe], *at, ösüml.d.* Ýasy ýaprakly, köki döwügi seýiklemek üçin ulanylýan köpýyllyk otjumak ösümlik.

**ÇERETEN**, *at.* Selmeler maşgalasynyň şoralar uruguna degişli, boýy 20-100 sm ýetýän, çetä meňzeş pürli agaç.

**ÇERIM**, *at.* Eýlenip işlenýän ham, deri we ondan taýýarlanýan gaýyş, teletin.

**ÇERKES**, *at, ser.* **Çerkesler**.

**ÇERKESLER**, *at.* Russiýa Federasiýasynyň Garaçaý-Çerkes Respublikasynyň ýerli halklarynyň biri.

**ÇERKEZ**, *at.* **1**. Gumda bitýän, pürli gyrymsy ösümlik. **2**. Oglana dakylýan at.

**ÇERKEZLIK**, *at.* Çerkeziň köp ýeri, çerkez bilen örtülen ýer. *Olar giden çerkezligiň içinde düşlediler.*

**ÇERMEK**, *at.* **1**. Balagyň, içki geýimiň uçgur, rezin ötürilýän ýeri. *Oglanjyk çep eli bilen çermegini tutup ylgap gitdi.* **2**. Çaýhaltanyň, süzmehaltanyň we ş.m. agzyny ýygyrmak, içinden geçýän ýüp bilen büzmek üçin içi boş epin.

**ÇERMEKLIK**, *at.* **1**. Biliň çermek daňylýan ýeri. *Guşagy bilinden sypyp, çermekligine indi.* **2**. Balagyň, haltanyň çermek tikilýän ýeri. *Haltanyň çermekligi dar bolupdyr, sähel ýogyn bag geçmeýär.*

**ÇERMELMEK**, *işl.* **1**. Köýnegiň, donuň, çäkmeniň ýeňi ýa-da balagyň gonjunyň agzy tersligine düýrlenip eplenmek, ýokarlygyna ýygrylmak. *Iki ýeňi tirsegine çenli çermelen Näzik tiz-tizden ädim urup, gyssanmaç gelýärdi* (A. Gowşudow). **2**. *göç.m.* Sallanyp duran şahalar aýrylmak, ýokary galdyrylmak; ýokarrakdan şaha goýberilmek; pudalmak.

**ÇERMEME**, *iş ady.* Çermemek ýagdaýy.

**ÇERMEMEK**, *işl.* **1**. Köýnegiň, donuň, çäkmeniň ýeňini ýa-da balagyň gonjunyň agzyny tersligine düýrläp eplemek, ýokarlygyna ýygyrmak. *Ýeňlerini çermäp, gyňajynyň bir ujuny bilinden aýlap, hyzmata gidişi müň gelne degerdi* ("Türkmenistan"). **2**. Çala açmak, serpmek, epläp ýokary galdyrmak. *Jemende öýüň gamşyny sypyrdy, durluklaryny çermedi* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç.m.* Sallanyp duran şahalary aýyrmak, ýokary galdyrmak; ýokarrakdan şaha goýbermek; pudamak. *Bagban miweli agaçlaryň aşagyny çermedi.*

**ÇERMEMEKLIK**, *iş ady.* Çermemek ýagdaýy. *Dalbaryň aşaky gollaryny çermemek ösüş üçin gowudyr.*

**ÇERMENMEK**, *işl.* **1**. Öz ýeňiňi, balagyň gonjuny çermemek. *Iki sany ýigit dyzyna çenli çermenip, atlaryny ýuwýar*. **2**. Balagyň çermegini çözmek, çermegi boşatmak. *Çermenip oturmak.*

**ÇERMEŞDIRMEK**, *işl.* **1**. Köýnegiň ýeňini ýa-da balagyň gonjunyň agzyny tersligine düýrläp epleşdirmek, çyzgaşdyrmak. *Ak ezýaka köýneginiň ýeňlerini çermeşdirdi*. **2**. Üzümiň, bagyň aşaky gollaryny, şahalaryny aýryşdyrmak; yzly-yzyna aýryp çykmak.

**ÇERMEŞMEK**, *işl.* **1**. Ýerli-ýerden çyzgaşmak, yzly-yzyna çermemek (*ser*. **Çermemek 1**). *Işgärler ellerini-aýaklaryny çermeşip, zordan goş-golamlaryny daşaryk çykardylar.* **2**. Üzümi, bagy çermemäge, pudamaga kömekleşmek. *Men doganyma dalbarlary çermeşdim.* **3**. Bilelikde çermemek (*ser*. **Çermemek 3**).

**ÇERMETMEK**, *işl.* Çermemek, pudamak işini birine etdirmek. *Üzüm dalbaryny çermetmek.*

**ÇERRELMEK**, *işl.* Bir zada çüýjerilip seretmek.

**ÇERRELTME**, **1**. *iş ady.* Çerreltmek ýagdaýy. **2**. *at*. Ownuk mallara goýun-geçilere degip, birden alýan kesel, çerrik. *Goýna çerreltme degipdir.*

**ÇERRELTMEK**, *işl., ser.* **Çüýjertmek**. *Mergen gözlerini çerreldip seretdi*.

**ÇERRIK**, *at.* **1**. Çölde bitýän zäherli ot. **2**. Şu oty iýen ownuk mallarda döreýän ölüm howply kesel.

**ÇERRIKLEME**, *iş ady.* Çerriklemek ýagdaýy. *Çerrik ýok ýerde çerrikleme nirden bolsun!*

**ÇERRIKLEMEK**, *işl.* Çerrik keseli bilen kesellemek, çerrik degmek. *Goýnumyz çerrikläpdir.*

**ÇERTEK**, *at, kön.s.* Çatma.

**ÇEŞBENT** [çeşvent], *at, kön.s.* Perde, tuty. *Ýeňsesinden bir atly gelip, salam berip duruberdi, ýüzi çeşbentli* ("Görogly").

**ÇEŞM**, *at, şahyr.* Göz. *Hijriňde köýüp men dat bilen perýat, Iki çeşmim bir görmäge zar saňa* (Halk döredijiliginden).

**ÇEŞME**, *at.* **1**. Ýeriň aşagyndan syzyp çykýan suw we şol suwuň çykýan ýeri, suwuň gözbaşy. *Gyzlar çeşmäniň başyna ýygnandylar*. **2**. *göç.m.* Bir zadyň emele gelýän, önýän ýeri, başlangyjy, gözbaşy, çykýan ýeri. *Aýal-gyzlar öz perzentlerini hüwdülänlerinde suw hakda elmydama ýatlaýarlar, çünki suw ýaşaýşyň çeşmesi hasaplanýar* ("Türkmenistan"). **3**. *göç.m.* Ýazuw ýadygärlikleri; maglumatyň, pikiriň ýazylan, alynýan ýeri; ylmy işler.

**ÇEŞNI I**, *at.* Köplenç, guşaga gysdyrylyp göterilýän nili gysga, oky niliň agzyndan salynýan tüpeňiň bir görnüşi.

**ÇEŞNI II**, *at.* Elguşa irden berilýän bölejik duzsuz et.

**ÇET**, *at.* **1**. Bir tarap, gyra, gapdal, ýan. **2**. Bir zadyň gyrasy, ujy; bölegi. *Günüň bir çeti gädilipdi* ("Edebiýat we sungat"). **3**. *syp., kön. s.* Keseki, daşary, ýat. *Çet ýurt dili.*

◊ **Çeti gyzmak** gaharyň gelmek, gaharlanmak, gany gyzmak. **Çetine degmek** bir zat diýip gaharyny getirmek, gahary geler ýaly käýemek. *Bu gürrüň Ýelliniň çetine degdi* (A. Gowşudow). **Çetine kakmak** biriniň taryna kakyp, synap görmek, gürleşip nähili pikirdedigini biljek bolmak, pälini-niýetini bilmäge synanmak. *Şoňa görä ol sazandanyň çetine kakýardy* (N. Saryhanow).

**ÇETBER**, *at, gepl.d.* Bir kirbenkäniň dörtden biri, ýüz grama deň agyrlyk ölçeg birligi. *Iki çetber çaýdyr bir kirbenkejik gant çekdirdim-de, dükançy bilen hasaplaşyp, gapa tarap ýöneldim* (A. Kekilow).

**ÇETBERLIK**, *syp., gepl.d.* Ýüz grama deň bolan agramly zat ýa-da ýüz gram sygýan (gap). *Ol bir çetberlik çüýşäni alyp stoluň üstünde goýdy* (A. Gowşudow ).

**ÇETEN**, *at, kön. s., ser.* **Çatma**. *Saňa gürrüň bersem, şu ýoldan gelýärkäk, Üçgümmez dagynda, bir çetende myhman bolduk* ("Görogly").

**ÇETI**, *at.* Gumda bitýän, ownuk ýaprakly, pürli, gyrymsy ösümlik.

**ÇETILIK**, *at.* Çetiniň köp ösen ýeri. *Olar çetilige ýetmän, açyk ýerde saklandylar*.

**ÇETIK**, *at.* Jüýjeleriň aýagyna bellik üçin daňylýan ýüpjagaz.

◊ **Iki çetik bolup oturmak** ikiçäk oturmak.

**ÇETIN**, *syp.* Ýerine ýetirmesi kyn, agyr; howply hem çylşyrymly.

**ÇETINLIK**, *at.* Aňsat dällik, kynlyk; çylşyrymlylyk. *Meseläniň çetinligini hasaba almak gerek.*

**ÇETIR**, *at.* Dört ýaşar düýe.

**ÇETKI**, *syp.* Çetde duran, çetdäki, gyradaky.

**ÇETLEŞDIRMEK**, *işl.* **1**. Köpçülige goşman ýeke goýmak, daşlaşdyrmak. **2**. *göç.m.* Işden çykarmak, wezipeden aýyrmak.

**ÇETLEŞIŞ**, *iş ady.* Çetleşmek ýagdaýy.

**ÇETLEŞME**, *iş ady.* Çetleşmek ýagdaýy. *Biz bu dünýä onlarça ýyllara çeken çetleşmeden we bus-buslukdan soň geldik* ("Türkmenistan").

**ÇETLEŞMEK**, *işl.* Köpçülikden we ş.m. daşlaşmak, gyra çekilmek. *Obadaşlardan çetleşmek, goşulyşmazlyk erbet häsiýetdir*.

**ÇETLEŞMEKLIK**, *iş ady.* Çetleşmek ýagdaýy.

**ÇETNIK**, *at.* Burunlyk bilen büýliniň arasyndaky iki tarapy kertiklije agaç. *Iner çetniginiň düýbünden üzüp, hol gitdi* ("Görogly").

**ÇETNIKLIK**, *syp.* Çetnik etmäge ýaraýan, çetnik bolar ýaly, çetnik üçin. *Çetniklik agaç berk agaçdan bolmalydyr.*

**ÇETREK** [çetirek], *at.* Patrak edilende açylman galan mekgejöwen dänesi. *Etmekçidim patrak, Boldy bary çetrek* (Halk döredijiliginden).

**ÇETREME** [çetireme], *iş ady.* Çetremek ýagdaýy.

**ÇETREMEK** [çetiremek], *işl.* **1**. Patrak edilende açylman galmak, çetrek bolmak. *Mekgejöwen açylmady-da, durşy bilen çetredi.* **2**. Täzeden ösüp ugramak, janlanyp, gol çykaryp, gögerip başlamak, güýzemek (ekin barada). *Güýze golaý gawunlar täzeden çeträp ugrady*.

**ÇETREMEKLIK** [çetiremeklik], *iş ady.* Çetremek ýagdaýy.

**ÇETREŞMEK** [çetireşmek], *işl.* Çeträp başlamak, köpçülikleýin çetremek. *Güýze golaý biýaralar çetreşip ugradylar* (T. Gurbanow).

**ÇETREÝIŞ** [çetireýiş], *iş ady.* Çetremek ýagdaýy.

**ÇETRÄK** [çetirä:k], *syp.* Bir gyrarak. *Ol bir çeträkde otyrdy.*

**ÇEÝE**, *syp.* **1**. Ýazylyp-büzülip bilýän; eplense-de döwülmeýän, ýaý berýän, maýyşgak. *Mylaýym adamynyň ýüregi çendan ýaý berse-de, çeýe çygar çybyk ýaly döwülmezmişin* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Başarnykly, berk, sagdyn. *Eý, sen çeýe dilim, kuwwatly dilim* (G. Ezizow).

**ÇEÝELIK**, *at.* **1**. Bir zadyň maýyşgaklyk ýagdaýy. **2**. Başarjaňlyk, berklik ýagdaýy.

**ÇEÝNELMEK**, *işl.* **1**. Çeýnemi ýetirilmek; bir zadyň güýjüne, zarbyna owulmak, berkligi gowşamak, sozulmak. *Iýmit gowy çeýnelip iýilmelidir. Hataba daňlan ýüp çeýnelipdir.* **2**. Biri tarapyndan dalanmak, endam-janyndan diş salnyp ýaralanmak. *Itimiz kemsiz çeýnelipdir.*

**ÇEÝNEM**, *at.* Iýilýän zatlaryň çeýneliş, owluş derejesi, çeýnelmek häsiýeti. *Her bir zadyň çeýnemi ýetirilip iýilse gowy.*

**ÇEÝNEME**, *iş ady.* Çeýnemek ýagdaýy.

**ÇEÝNEMEK**, *işl.* **1**. Iýilýän zatlary agza salyp diş bilen mazaly ýumşatmak, bölek-bölek etmek, ownatmak. **2**. Dişlemek, dişläp ýara salmak, dalamak. *Indi ýarak it ony çeýnejekdi* (A. Gowşudow). **3**. *göç.m.* Mazaly suwuna degmek, ýerli-ýerden her kim bir zat diýip utandyrmak, dil bilen ýepbeklemek, käýemek. *Ol özüni bu sapar Nurjan kemsiz çeýnär öýtdi* (B. Kerbabaýew).

**ÇEÝNEMEKLIK**, *iş ady.* Çeýnemek ýagdaýy.

**ÇEÝNEŞDIRMEK**, *işl.* Yzly-yzyna çeýnäp çykmak, baryny çeýnemek.

**ÇEÝNEŞIKLI** *syp.* Soňy-yzy gelmeýän, nirä çekseň bolýan ýaly, gutarnykly netije çykaryp bolmaýan. *Onuň ýaly çeýneşikli meselä goşulmaň.*

**ÇEÝNEŞMEK**, *işl.* Birnäçe bolup dowamly çeýnemek, çeýnäp durmak; bir topar bolup çeýnemek. *Olar uýanlaryny çeýneşip duran atlary öz maýdalyna sürüp ugradylar* ("Edebiýat we sungat").

**ÇEÝNETMEK**, *işl.* Çeýnemäge ýol bermek, dalatmak, çeýnemäge mümkinçilik döretmek.

**ÇEÝNEWAÇ** [çeýnewa:ç], *at.* **1**. *gepl.d.* Aşaky we ýokarky äň aralygyndaky dil, diş ýerleşýän boşluk, agyz. **2**. Şeker çiňriginiň, ak jöweniň çeýnelýän bogny, palajynyň bölegi. *Ol mekgejöwen çeýnewajyndan maňa-da berdi.* **3**. *gepl.d.* Çeýnelýän jisim, sakgyç. *Ol agzyndaky çeýnewajyny tüýkürdi.*

**ÇEÝNEÝIŞ**, *iş ady.* Çeýnemek ýagdaýy.

**ÇÄÇ** [çä:ç], *at.* Döwlüp, atylyp, ýörite elekde elenmedik bugdaýyň üýşmegi. *Çäji ýaňadan elemek.*

◊ **Çäjiňe bereket**! Hasylyň köp bolsun! Bereketli bolsun! *Ol "Çäjiňe bereket!" diýip ýüzlendi.*

**ÇÄGE** [çä:ğe], *at.* Dag jynslarynyň togalak hem-de ýiti burçly dänejiklerinden düzülen, tozan we toýun gatançly ownuk owrantgy. *Ak gumlaryň eteginde doglup, Ak çägäň üstünde ylgardym ýene* (K. Gurbannepesow).

**ÇÄGELIK** [çä:ğelik], *at.* Çägäniň köp ýeri, giden çäge bolup ýatan ýer. *Daş-töweregiň ergin gurşun ýaly süýşüp ýatan ürgün çägelik* ("Edebiýat we sungat").

**ÇÄGESÖW** [çä:ğesöw], *syp.* Çäge gatyşykly, çäge gatyşygy bar bolan, çägä ýakyn. *Çägesöw toprak.*

**ÇÄK** [çä:k], *at.* **1**. Bir ýeriň giňişlik bilen bagly serhedi, içi (*ser.* **Territoriýa**). *Welaýatyň çäklerinde.* **2**. Geýimiň eteginde ýa-da köýnegiň ýakasynda goýulýan dilik, ýaryk. *Gözüm düşdi ýakasynyň çäginden, Synasy daglaryň gary geliniň* (Baýly şahyr). **3**. Ýer paýlanyşygynda, ýap gazylanda bölünip berlen ýer; ara belligi, bölünen paý. *Men gazy gazýan, ertir meniň çägimi alyşmaga kömekleş* (A. Durdyýew). **4**. Bellenen düzgüniň esasy. *Kanunyň çäginde hereket etmek.* **5**. Malyň gulagynda edilýän dilik.

**ÇÄKLEMEK** [çä:klemek], *işl.*, *gepl.d.* Dilmek, ýyrtmak, dilik açmak.

**ÇÄKLENDIRILMEK** [çä:klennirilmek], *işl.* Biri tarapyndan çäk goýulmak, çäkli hereket etdirilmek. *Jogapkärçiligi çäklendirilen kärhana.*

**ÇÄKLENDIRIŞ** [çä:klenniriş], *iş ady.* Çäklendirmek ýagdaýy.

**ÇÄKLENDIRMEK** [çä:klennirmek], *işl.* **1**. Çäk goýmak, çägini kesgitlemek; arasyna parh goýmak. *Bu meselede gowy bilen erbedi çäklendirmek gerek.* **2**. Belli bir möçbere, mukdara çenli azaltmak, kemeltmek.

**ÇÄKLENMEK** [çä:klenmek], *işl.* Belli bir ölçege, ýere ýetip bes etmek; kanagatlanmak, ýeterlik hasap etmek.

**ÇÄKLI** [çä:kli], *syp.* Belli bir ölçege laýyk; wagt taýdan kesgitli, gysga. *Çäkli wagtyň içinde beýle uly işi etmek - gahrymanlyk.*

**ÇÄKLILIK** [çä:klilik], *at.* Wagt taýdan gysgalyk, az wagtlyk. *Wagtyň çäkliligini unutmaň-da, basym boluň.*

**ÇÄKMEN** [çä:kmen], *at.* Erkek adamlaryň geýýän dony. *Çäkmeniň bagjygyny oýnap duran elleri gyssanjyna sandyrady* (Ý. Mämmediýew).

◊ **Agar çäkmen** düýe ýüňüniň iň bir inçe süýüminden egrilip, syk dokalan matadan tikilen çäkmen.

**ÇÄKMENLIK** [çä:kmenlik], *syp.* Çäkmen tikmäge ýaraýan, çäkmen edinmäge niýetlenen, çäkmen bolar ýaly. *Çäkmenlik mata.*

**ÇÄKSIZ** [çä:ksiz], *syp.* **1**. Ölçegi, çägi bolmadyk, çäk goýulmadyk, uç-gyraksyz; köp, ummasyz, çensiz. *Çäksiz tebigy baýlyklar.*

**ÇÄKSIZLIK** [çä:ksizlik], *at.* Wagty, mukdary, ölçegi belli edilmedik, belli çägi, serhedi bolmadyk. *Wagtyň çäksizligi oňa arkaýyn işlemäge mümkinçilik berýärdi.*

**ÇÄKÝAKA** [çä:kýaka], *syp.* Egnüsti kese ýakaly (erkek adamlaryň köýnegi hakynda). *Ol çäkýaka köýnekli, bili guşakly suw tutup ýörkä, bir tümmegiň üstünde gyşardy* (B. Kerbabaýew).

**ÇÄRE** [çä:re], *at.* **1**. Bir işiň, hereketiň amala aşmagy üçin geçirilýän iş, edilýän alada, alaç, tär,

çykalga. *Ýetişen hasyly çalt we zaýasyz ýygnap almak üçin etrap häkimligi, oba geňeşleri anyk çäreleri belllediler* ("Türkmenistan"). **2**. Bir ýetmezçilik sebäpli berilýän temmi, käýinç, tabşyryk. *Çäresini görmek.*

**ÇÄRESIZ** [çä:resiz], *syp.* **1**. Çäresi ýok, alajy bolmadyk, çäresi tapylmaýan, alaçsyz, çykalgasyz. **2**. Temmisiz, çäre görülmedik ýagdaýda. *Ol eden işi üçin ony çäresiz galdyryp bolmaz.*

**ÇÄRESIZLIK** [çä:resizlik], *at.* Çäresi ýokluk, alaçsyz galmaklyk, çäre tapylmazlyk; çykalgasyzlyk.

**ÇÄRÝEK** [çä:rýek], *at.* **1**. 25 grama deň bolan agyrlyk ölçegi, ýüz gramyň dörtden biri. **2**. Bir zadyň dörtden bir bölegi. *Okuw ýylynyň üçünji çärýegi ýaňy başlanypdy* (A. Gurbanow).

**ÇÄRÝEKLIK** [çä:rýeklik], *syp.* **1**. 25 gramlyk agramy bolan (ölçeg daşy). **2**. Okuw ýylynyň dörtden bir bölegine deň bolan, çärýege degişli. *Seniň çärýeklik bahalaryň ortaça dörtlük bolýar.*

**ÇÄŞ** [çä:ş], *at.* Günüň guşluk bolan wagty. *Bu üçüsi Gün dogup, çäş galanda atlaryny oýnadyp, Serçemeniň depesinden indiler* ("Görogly"). *Çäşden soň çep gözümiň çekişinem halamadym-da* (O. Ödäýew).

**ÇÄŞERILMEK** [çä:şerilmek], *işl.* Çäşermek halynda bolmak. *Pejiň başynda çäşerilip ýatmak.*

**ÇÄŞERIŞMEK** [çä:şerişmek], *işl.* Ýerli-ýerden, köp bolup, yzly-yzyna çäşerip ýatmak. *Olar çäşerişip ýatyrdylar.*

**ÇÄŞERME** [çä:şerme], *iş ady.* Çäşermek ýagdaýy.

**ÇÄŞERMEK** [çä:şermek], *işl.* El-aýagyňy gerip, serlip arkan ýatmak. *Mama gözenegiň agzynda çäşerip horlap ýatyr* (B. Kerbabaýew).

**ÇÄŞERMEKLIK** [çä:şermeklik], *iş ady.* Çäşermek ýagdaýy.

**ÇÄŞERTMEK** [çä:şertmek], *işl.* Çäşerer ýaly etmek, çäşerip ýatmaga mejbur etmek.

**ÇÄŞERIŞ** [çä:şeriş], *iş ady.* Çäşermek ýagdaýy. *Näme sebäpden çäşerişine düşünmedim.*

**ÇÄÝNEK** [çä:ýnek], *at.* **1**. Çaý demlemek üçin gulply we jüründikli farfor gap. *Ol çaý goýdy-da, çäýnegi çaýkaşdyrmaga durdy* (A. Durdyýew). **2**. Çaý gaýnatmak üçin syrçaly demir gap.

**ÇÄÝNEKLIK** [çä:ýneklik], *syp.* Bir çäýnek dolar ýaly (gaýnag suw). *Bir çäýneklik gaýnag suw.*

**ÇIG** [çi:ğ], *syp.* **1**. Bişmedik, bişip ýetişmedik, gowrulmadyk, gaýnadylmadyk (et we ş.m. hakynda). *Çig et – et getir, çig hamyr – dert* (Nakyl). **2**. Bişip ýetişmedik, gök, iýere doly ýaramaýan (miwe hakynda). *Oglanlar, eriklere entek degmäň, olar çigdir.* **3**. *göç.m.* Doly, düýpli, çuňňur işlenilmedik, kämil däl. *Heniz çeperçilik taýdan çig eser.*

◊ **Çig bolmak** işi doly ýerine ýetirmezlik, meseläni gutarnykly çözmezlik, göwnejaý edilmezlik. **Çig mal** tebigy ýagdaýyndaky, gutarnykly haryt görnüşine getirilmeli zatlar, gaýtadan işlemäge degişli öndürilýän zatlar. **Çig süýt emen** adam hemme zada göz ýetirip bilmeýär, bilimi ýeterlik däl.

**ÇIG-ÇARSY** [çi:ğ-ça:rsy], *syp.* **1**. Gowy bişmedik, ýarysy bişip, ýarysy bişmedik, doly taýyn bolmadyk (nahar we ş.m. hakynda). *Çig-çarsy bişen palaw.* **2**. *göç.m.* Düýpli, çuň, gutarnykly işlenilmedik, gowşak. *Eger öz zähmetine, edýän işine, tutan tutumyna söýgi bolmasa, adam ogly şol işi çig-çarsy eder, elujy bitirer* ("Türkmenistan").

**ÇIGDIRMEK** [çiğdirmek], *işl.* Ýüpe we sapaga çigiş saldyrmak, çigiş düşürtmek. *Ýüpüň ujuny çigdirmek.*

**ÇIGILDEM** [çiğillem], *at.* Düýbi sogana meňzeş, owadan gyzyl, sary gülli otjumak ösümlik. *Çigildemlere seredip barýarys.*

◊ **Çigildem (gazmak) köwlemek** gijäniň aýazyna üşäp, ýatyp bilmezlik. gijäniň aýazyna üşäp, ýatyp bilmezlik. *Baba aga ýorganynyň üstünden içmegini atynan bolsa-da, daňa çenli çigildem köwläp çykypdy* (N. Esenmyradow).

**ÇIGILMEK** [çiğilmek], *işl.* Çigin emele gelmek, düwlüp bulaşmak; çigişmek. *Sapagyň ujy çiglipdir.*

**ÇIGIN** [çiğin] **I**, *at.* Goluň egne birleşýän ýerinden başlap ýokary bölegi.

**ÇIGIN** [çiğin] **II**, *at.* **1**. Ýüpüň we ş.m. bulaşyp, çylşyrymly daňlan, düwlen ýeri, düwün, çigiş. *Ýüpüň çignini çözmek.* **2**. Suwy az goýbermek üçin ýabyň bilinden salnan böwet.

**ÇIGINLEK** [çiğinlek], *syp.* Çigni uly, eginlek. *Uzyn boýly, çiginlek, gözi äýnekli bir adam ýylgyryp içerik girdi* (G. Kulyýew).

**ÇIGIŞ** [çiğiş], *iş ady.* **1**. Çigmek ýagdaýy. **2**. *ser.* **Çigin II**, **1**. *Çigiş daňlan ýüpi.*

**ÇIGIŞDIRMEK** [çiğişdirmek], *işl.* 1. Ýüp we ş.m. zada çigin düşürmek, çigin etmek, halka atdyrmak, düwün düşürmek. **2**. Ählisini çigip çykmak, köp ýerinde çigiş etmek. *Sapaklary bir ýanyndan çigişdirip çykypsyň.*

**ÇIGIŞME** [çiğişme], *iş ady.* Çigişmek ýagdaýy.

**ÇIGIŞMEK** [çiğişmek], *işl.* **1**. Çigmäge kömekleşmek, bir zady düwüşmek. *Sen maňa şu düwünleri çigişäý!* **2**. Çözülmez ýaly çigin baglanmak, çigin bolmak, çolaşmak. *Ýüpüň ujundaky çigin berk çigşipdi.* **3**. *göç.m.* Çylşyrymlaşmak, çözmesi kynlaşmak, bujurygy artmak. *Meniň aňlyşyma görä, şeýle bolanda, iş şeýle bir çigşer, soňra özüňiz gelip otursaňyz hem ondan baş çykaryp bilersiňiz öýdemok* ("Edebiýat we sungat").

**ÇIGIŞMEKLIK** [çiğişmeklik], *iş ady.* Çigişmek ýagdaýy.

**ÇIGIT** [çiğit], *at.* **1**. Käbir ösümligiň miwesi, hasyly we onuň ýekeje dänesi. **2**. Gawun, garpyz, gowaça ýaly çigidinden gögerýän ösümlikleriň tohumy. *Çyg ýere çigit oklasaň, gögerip çykar.*

◊ **Çigidi çaşmak** çym-pytrak bolmak, kül-oram bolmak; dargap gitmek. – *Bah-ow, bu bolup barşyna bag üzüläýse, çigidim çaşjag-ow – diýdim* (H. Ysmaýylow). **Çigidini çykarmak** dyr-pytrak etmek, mynjyratmak, eýini ýetirmek. **Çigit ýaly** örän az, ujypsyz, sähelçe; asla, düýbünden. *Oňa çigit ýaly-da zat bermeli däl* (B. Seýtäkow). *Garly ussa bu işde çigit ýaly hem günäkär däl ahyryn* (A. Gowşudow).

**ÇIGITLEME** [çiğitleme], *iş ady.* Çigitlemek ýagdaýy.

**ÇIGITLEMEK** [çiğitlemek], *işl.* **1**. Çigidi çakyp, maňzyny alyp iýmek. *Olar Myrat çaý getirýänçä çigit çigitläp, keçäniň üstüni maýmyn gezen ýaly edipdirler* (N. Pomma). **2**. Pagtanyň süýümini çigidinden arassalamak, çigidi aýyrmak. – *Sen sygryň yzynda bikär gezip ýörsüň, bikär gezme, şuny sygryň yzynda çigitläp getirgin!- diýip, ep-esli pagta beripdir* ("Türkmen halk ertekileri"). *Bular gopuz ýaly işleşip, pagtany çigitläp, arassalap, turbalardan-turbalara akdyryp duran maşynlaryň arasy bilen geçip, ep-esli aýlandylar* ("Türkmenistan"). **3**. *göç.m.* Bir zady jikme-jik düşündirmek, anyklaşdyrmak, änigine-şänigine ýetmek.

**ÇIGITLEMEKLIK** [çiğitlemeklik], *iş ady.* Çigitlemek ýagdaýy.

**ÇIGITLENMEK** [çiğitlenmek], *işl.* **1**. Biri tarapyndan çigidi, maňzy, içi iýilmek. *Garpyz çigidi çigitlenipdir, daş-töwerek gabyk bolup ýatyrdy*. **2**. Biri tarapyndan pagtanyň pamygyndan çigidi aýrylmak, çigitden saplanmak. *Pagta çigitlendi*.

**ÇIGITLEŞDIRMEK** [çiğitleşdirmek], *işl.* Yzly-yzyna çigitläp çykmak, hemmesini çigitlemek.

**ÇIGITLEŞMEK** [çiğitleşmek], *işl.* Bilelikde çigitlemek; çigitlemäge kömekleşmek. *Pagta çigitleşmek.*

**ÇIGITLETMEK** [çiğitletmek], *işl.* Çigitlemäge ýol bermek; çigitlemek işini başga birine etdirmek. *Çigit çigitletmek. Pagtany çigitledip, esli pamyk aldyk.*

**ÇIGITLEÝIŞ** [çiğitleýiş], *iş ady.* Çigitlemek ýagdaýy.

**ÇIGITÝAG** [çiğitýa:ğ], *at.* Pagtanyň, günebakaryň çigidinden alynýan ýag.

**ÇIGLEK** [çi:ğlek], *syp.* Ýogyn, etlek. *Mama çiglek eli bilen Umsagülüň böwrüne dürtdi* (B. Kerbabaýew).

**ÇIGLEÇ** [çi:ğleç], *syp.* Birneme çig, doly bişip taýýar bolmadyk; ýetişmedik.

**ÇIGLIK** [çi:ğlik], *at.* **1**. Bişmedik, göklük, horalyk, çig ýagdaýda bolmaklyk. *Erigi çigligine iýseň, dişiňi gamaşdyrar.* **2**. *göç.m.* Gowşaklyk, düýpli işlenen dällik, bolmaly derejeden peslik. *Onuň esasy sebäbi şol goşgularyň heniz kämil däldigidir, çigligidir*. **3**. *göç.m.* Başdan sowmalyk, sowuk-salalyk, kem-käsleýin ýerine ýetirilendir öýdülip döreýän betgümanlyk; ynamsyzlyk. *Göwnüňize bir çiglik gidýär öýdän* (O. Ödäýew).

**ÇIGME** [çiğme], **1**. *iş ady.* Çigmek ýagdaýy. **2**. *at.* Tikiniň bir görnüşi we şol tikin bilen salynýan nagşyň ady.

**ÇIGMEK** [çiğmek], *işl.* Çigin edip düwmek, çigip daňmak, çigin etmek. *Ýüpi çigmek.*

**ÇIGMEKLIK** [çiğmeklik], *iş ady.* Çigmek ýagdaýy .

**ÇIGREK** [çiğrek], *at.* **1**. Ertir-agşam we gijesine düşýän ýeňiljek sowuk, çalaja aýaz. *Howa çigrekdi, içlerimiz açdy, ýyljak tama girip, bir çäýnek çaý içiläýse, gözümiz ýerine geljekdi* ("Türkmenistan"). **2**. Sowuklamakdan emele gelýän çaga keseli. *Diňe çagakam iki gezek çigrek degip, igländigimi ejem pahyr gürrüň bererdi*.

**ÇIGREKLEME** [çiğrekleme], *iş ady.* Çigreklemek ýagdaýy.

**ÇIGREKLEMEK** [çiğreklemek], *işl.* **1**. Ertir-agşam we gijesine howa sowamak; maýyldan salkyna geçmek. *Ir ertir, giç agşam howanyň çigrekläni bildirýärdi.* **2**. Çalarak sowuklap nähoşlamak, ýeňiljek sowuk degmek, sowukdan dümewlemek. *Ol çaga çigrekläpdir.*

**ÇIGREKLEMEKLIK** [çiğreklemeklik], *iş ady.* Çigreklemek ýagdaýy.

**ÇIGREKLETMEK** [çiğrekletmek], *işl.* Sowuklatmak, üşetmek; näsaglatmak. *Çagany çigrekletmek.*

**ÇIGREME** [çiğreme], *iş ady.* Çigremek ýagdaýy.

**ÇIGREMEK** [çiğremek], *işl.* **1**. Howa sowap başlamak, aýaz düşüp ugramak. *Giçden soň howa biraz çigräp başlapdy* (B. Kerbabaýew). **2**. Gaýnajak bolup düwmelemek, bulanyp gaýnamaga ýakynlamak. *Kitirdäki suw ýaňy çigräp ugrady.*

**ÇIGREMEKLIK** [çiğremeklik], *iş ady.* Çigremek ýagdaýy.

**ÇIGREÝIŞ** [çiğreýiş], *iş ady.* Çigremek ýagdaýy. *Howanyň irräk çigreýşi gawuny güýzedipdi.*

**ÇIKGE**, *at.* Gözüň iki içki gyrasy. *Berdä bildirmän, ýygnanan ýaşy kepdirjek bolup, külbikesini sag çikgesiniň üstünde goýdy* (H. Derýaýew).

**ÇIKJERILMEK**, *işl.*, *ser.* **Jikjermek**. *Nöker oňa çikjerilip seretdi* (B. Kerbabaýew).

**ÇIKJERIŞ**, *iş ady.* Çikjermek ýagdaýy.

**ÇIKJERIŞMEK**, *işl.* Birnäçe bolup çikjerip durmak, ýerli-ýerden çikjermek. *Näme beýdip çikjerişip dursuňyz?*

**ÇIKJERME**, *iş ady.* Çikjermek ýagdaýy.

**ÇIKJERMEK**, *işl.* **1**. Biriniň üstüne haýbat atmak, sürünmek, herrelmek. *Han ogul, näme beýle çikjeren bolýaň?* **2**. Suwumsyzlyk edip öňe düşmek, özüni hondanbärsi saýmak, gopbamsyramak. – *Men özüm akmak, ilden öňe düşüp, çikjerip sorag beren bolýan* (B. Kerbabaýew).

**ÇIKJERMEKLIK**, *iş ady.* Çikjermek ýagdaýy.

**ÇIL**, *syp.* Akly-garaly, hem agy, hem garasy bolan (guşlaryň reňki hakynda). *Çil kepderi.*

**ÇIL** [çi:l], *at.* Peliň gyrasyna çekilýän, uzap gidýän beýiklik. *Onuň pessejik çiliň iki gyrasyndaky bugdaýlary dyzy bilen iki ýana sowup gidip barşyna aýdyma hiňlenýäni eşidildi* ("Türkmenistan").

**ÇIL-ÇIL** [çi:l-çi:l], *syp.* **1**. Ýol-ýol, zol-zol, zolak-zolak. **2**. Gasyn-gasyn, ýygyrt-ýygyrt. *Boýny, alkymynyň aşagy gat-gat bolup durdy, tegelek, lopbuş ýüzi-de çil-çildi* (G. Kulyýew).

**ÇILE** [çi:le], *at.* **1**. Çaganyň eneden bolan gününden başlap, kyrk güne çenli dowam edýän döwür. *Çile döwründe ýaş çaganyň üstüne et, ýumurtga ýaly zatlar getirilmezek bolýar*. **2**. Çile döwri bilen bagly, şol dessur bilen baglanyşykly näsaglyk.

◊ **Çile agajy** çile düşüp çagasy bolmaýan aýallary ýa-da çile düşen çagany aşagyndan geçirmek üçin öwlüýälerde dikilýän agaç. **Çileden çykarmak** dogan çagany ýedi, kyrk gün geçenden soň, goňşy-golamlaryň gapysyna birin-birin aýlamak. *Ýaňy bolan çaga ýedi günden soň ýedi çileden çykarylýar. Soňra kyrk çileden hem çykarylýar* ("Türkmenistan"). **Çile düşmek**. **1**) Çileden çykarylmadyk çaganyň hem-de ejesiniň bolýan öýüne çileden çykmadyk çagaly aýal, eli etli, unly we ş.m. zatly adam gelmegi zerarly enede ýa çagada kesel döremek. *Onsoň Ogsoltan eje gelniniň kyn görýänine - beýlekisine bakman,1"Çile düşüpdir"Idiýip, ony gölegçileriň öňünden geçirdi* (R. Allanazarow). **2**) *göç.m.* Edýän işiň şowuna bolmazlyk, başa barmazlyk, oňuna bolmazlyk. *Sen sorama, meniň ol işime çile düşdi.* **Çilesi açylyşmak** işiň rowaçlanyp başlamak, eden işiň oňuna bolup ugramak. *Indi çiläm açylyşdy, Näme bolsa bolsun – diýdi* (K. Gurbannepesow).

**ÇILELI** [çi:leli], *syp.* Çileden çykmadyk; çile düşýän.

◊ **Çileli öý** heniz çagasy çileden çykmadyk maşgalaly öý.

**ÇILELILIK** [çi:lelilik], *at.* Çileli bolmak döwri, çileli wagt. *Şol öýe baraýmaly welin, çilelilik ýol bermeýär.*

**ÇILESUW** [çi:lesuw], *at.* Çaga doglansoň, ýedi, kyrk çileden çykarylanda düşürilýän suw. *Doglanymda çilesuwum beren sen, Babamyzdan miras galan daşguýy* (Ý. Pirgulyýew).

**ÇILIK**, *at.* Barmak ýaly uzynlykdaky we ýogynlykdaky iki ujy çiş taýajygy ýa-da kiçeňräk mal süňki taýak bilen urlup oýnalýan oýun. *Harmanyň golaýynda çagalar çilik oýnan bolup ýördüler* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Çilik ýaly galmak (çişmek)** kellä, maňlaýa gaty zat degmegi zerarly çişip, güberip durmak, mese-mälim bolup ýumralyp çişip durmak. *Onuň üsti-başy gum, maňlaýy hem çilik ýaly galyp, ganjaryp durdy* (A. Gowşudow).

**ÇILIK-HEKGAL** [çilik-hekga:l], *at, ser.* **Çilik**. *Çilik-hekgal oýny gadymy oýun bolup, türkmenleriň ata-babalary döwründe oýnalan hereketli, çylşyrymly we gyzykly oýunlaryň biridir* (A. Jykyýew).

**ÇILILI** [çi:lili], *at, ser.* **Çilililer**.

**ÇILILILER** [çi:lililer], *at.* Çiliniň esasy ilaty.

**ÇILIM**, *at.* **1**. Çekilýän temmäki, tütün, papiros. *Çilim çekmeýän adamlaryň 2,5 prosenti, çilim çekýän adamlaryň 45 prosenti ýürek agyrydan we gan basyşdan ejir çekýär* ("Güneş"). **2**. Temmäki çekilýän ýörite gural. *Kümüş serpinjeli çilimi göterip, Sadap içerik girdi* (G. Kulyýew).

◊ **Çilim nahar** ýeňiljek nahar, çaý teýi. *Ol çilim nahar edindi*. **Çilim tutmak** çilimiň täsiri bilen başyň aýlanmak, gözüň garaňkyramak, ýüregiň bulanyp heläk bolmak. *Tagsyr, patyşahym, baýaky kempir çilim tutup oda ýykylyp ölüpdir* ("Görogly"). **Çilim ýaly** müçesi kiçijik. *Çilim ýaly bolup, onuň hiç kime göwni ýetenok*.

**ÇILIMHOR** [çilimho:r], *at, ser.* **Çilimkeş**. *Göýä gürrüňiniň yzy gutardy, Diýdi: – Çilimhordan siz aýyp görmäň* (N. Pomma).

**ÇILIMKEŞ**, *at.* Çilim çekýän adam, çilimi kän çekýän adam, çilimhor. *Binamaza, gybatkeşe, ogruýa, Ýoldaş bolar ýowuz günde çilimkeş* (Magtymguly).

**ÇILIMKEŞLIK**, *at.* Çilim çekmeklik, çilimi köp çekmeklik, çilimkeşiň ýagdaýy. *Çilimkeşlik ýurdumyzda ýek ýigrenilýän närsedir* ("Türkmenistan").

**ÇILIMLEMEK**, *işl., gepl.d.* Çilim çekmek. *Men bir daşarda çilimläp geleýin.*

**ÇILIMLEŞMEK**, *işl., gepl.d.* Biri bilen bile çilim çekmek. *Naharlanyp, çaý içip, Çilimleşip otyrlar* (O. Täçnazarow).

**ÇILLE I**, *at.* Gyş paslynyň iň sowuk günleri, gyşyň örküji.

◊ **Çille dolmak** gyş pasly tamamlanmak. **Çille mesi ýaly** hiç hili aladasyz, gaýgysyz, mes, badyhowa, haýbatly (adam hakynda).

**ÇILLE II**, *at.* **1**. Tara daragynyň ininiň ölçegi. *Ýigrimi oýnam eriş bir çille hasaplanýar.* **2**. Belli bir mukdardaky ýüpek sargysy, kelep ýüpek. **3**. Ýaýyň iki ujuna dartdyrylyp daňlan ýüpek kiriş, şonuň ýaly-da

dutaryň kirşi. *Çeker men ýaýyň çillesin, Gözlärin söweş pellesin* ("Görogly"). *Gyş pasly ýetişdi, gutardy ýazym, Çillesi üzüldi*, *sem boldy sazym* (Mollanepes).

**ÇILLEME** [çi:lleme], *iş ady.* Çillemek ýagdaýy.

**ÇILLEMEK** [çi:llemek], *işl.* Çil çekmek, çil etmek. *Häzir ýerleri çillemek, tekizlemek we dökünlemek işleri alnyp barylýar*.

**ÇILLEMEKLIK** [çi:llemeklik], *iş ady.* Çillemek ýagdaýy.

**ÇILLENMEK** [çi:llenmek], *işl.* Biri tarapyndan çil çekilmek, çil edilmek. *Ekiljek ýerleriň hemmesi sürüldi, tekizlenildi we çillenildi*.

**ÇILLEŞMEK** [çi:lleşmek], *işl.* Birine çil çekmäge kömekleşmek. *Men oňa uly bir peli çilleşdim.*

**ÇILLETDIRMEK** [çi:lletdirmek], *işl.* Birine çil çekdirtmek.

**ÇILLETMEK** [çi:letmek], *işl.* Birine çil çekdirmek. *Ekiljek ýerleri çilletmek.*

**ÇILLEÝIŞ** [çi:lleýiş], *iş ady.* Çillemek ýagdaýy. *Taba gelen meýdanda çilleýiş işleri başlandy.*

**ÇILMEK**, *işl.*, *gepl.d.* **1**. Biriniň zadyny bildirmän, duýdurman almak, ogurlamak. *A-haw, sen şuny bir ýerden çiläýen-ä dälsiň-dä?* (T. Taganow). **2**. *göç.m.* Ýok etmek, aýyrmak, puç etmek. – *Dogan dek söýýän – diýip, umydym çilen sen-sen* (A. Kekilow).

**ÇILŞIRILMEK**, *işl.* Biri tarapyndan çilşirme salynmak.

**ÇILŞIRIŞ**, *iş ady.* Çilşirmek ýagdaýy.

**ÇILŞIRME**, *iş ady.* **1**. Çilşirmek ýagdaýy. **2**. *sport.* Türkmen göreşinde bäsdeşiňi ýykmak üçin aýagyňy garşydaşyň aýagynyň arasyndan geçirip, daş ýüzünden aýlap tutmak emeli. *Ol birden çemini tapyp, onuň aýagyna çilşirme saldy* (Ý. Mämmediýew).

**ÇILŞIRMEK**, *işl.* **1**. Aýagyňy biri-biriniň üstüne atmak. **2**. *sport.* Göreşde çilşirme emelini ulanmak. *Ahyr göterjek bolanda, Çaryýar hem çilşirdi birden* (Ç. Aşyr).

**ÇILŞIRMEKLIK**, *iş ady.* Çilşirmek ýagdaýy.

**ÇILŞIRTMEK**, *işl.* Çilşirme saldyrmak. *Pälwanlaryň biri aýagyna çilşirtdi.*

**ÇILTEN**, *at, dini.* Dini düşünjä görä, hemme adamlara görünmän ýören, kyrk sany keramatly adamlar. *Sähradа gezen çiltenler, Özüň ýetir ýara meni* ("Şasenem – Garyp"). *Hemra ukudaka onuň gözüne kyrk çiltenler göründi* ("Hüýrlukga – Hemra").

**ÇINEME**, *iş ady.* Çinemek ýagdaýy.

**ÇINEMEK**, *işl.* Tuduň kesilen çybyklaryndaky ýapraklary tändirip, ýolup almak.

**ÇINEMEKLIK**, *iş ady.* Çinemek ýagdaýy.

**ÇINEMIK**, *at.* Tuduň kesilip alnan çybyklaryndan tändirilip, ýolnup alnan ýapraklar.

**ÇINEÝIŞ**, *iş ady.* Çinemek ýagdaýy.

**ÇINTGEME**, *iş ady.* Çintgemek ýagdaýy. *Onuň gaýtalap-gaýtalap çintgemesi ynanmaýanyň bolşy-da.*

**ÇINTGEMEK**, *işl.* Soraşdyryp bir zadyň anygyna ýetjek bolmak, bir zady biljek bolup, gaýta-gaýta soramak. *Ömrümde ýekeje gezek ýumşum düşdi, onam çintgäp dursuň* (A. Durdyýew).

**ÇINTGEMEKLIK**, *iş ady.* Çintgemek ýagdaýy.

**ÇINTGEŞDIRMEK**, *işl.* Bir zady biljek bolup gaýta-gaýta soraşdyrmak, ýanjap-ýanjap soramak, änigine-şänigine ýetjek bolmak.

**ÇINTGETMEK**, *işl.* Bir zady gaýtalatmak, ownuk-uşak bir zady soraşdyrmak.

**ÇINTGEÝIŞ**, *iş ady.* Çintgemek ýagdaýy.

**ÇINTIK-ÇINTIK**, *syp*. Birnäçe kiçijik tegmiller bar bolan. *Ak köýnegiň ýakasynda çintik-çintik gara bar*.

**ÇIŇ: çiň arkan gaýtmak** arkanlygyna ýykylmak, arkan ýykylmak. *Bäş-on ädim ylgady welin, birdenkä maňlaýyny tutup, çiň arkan gaýtdy*.

**ÇIŇE-ÇIŇE: çiňe-çiňe seretmek (bakmak)** bir zada gaýta-gaýta çiňerip seretmek, bar ünsüňi berip garamak, dykgatly bakmak. *Onýança mallar hem porhanyň ýüzüne çiňe-çiňe seredişdiler* ("Türkmen halk ertekileri").

**ÇIŇERILMEK**, *işl.*, *ser.* **Çiňermek**.

**ÇIŇERIŞ**, *iş ady.* Çiňermek ýagdaýy.

**ÇIŇERIŞMEK**, *işl.* Ýerli-ýerden çiňermek, biri-birine seredişmek. *Sessiz-üýnsüz biri-biriniň göreçlerine çiňerişdiler* (B. Kerbabaýew).

**ÇIŇERME**, *iş ady.* Çiňermek ýagdaýy.

**ÇIŇERMEK**, *işl.* Bir zada dykgat bilen seretmek, üns berip garamak, çiňerilmek, tiňkäňi dikip seretmek. *Kakasy oglunyň ýüzüne çiňerip seretdi.*

**ÇIŇERMEKLIK**, *iş ady.* Çiňermek ýagdaýy. *Beýle çiňermeklik oňa nämä gerek bolduka, iliň göwnüne geler öýdenok.*

**ÇIŇRIK**, *at.* **1**. Gant almak üçin ekilýän ösümlik. **2**. Jöweniň guradylan baldagy.

**ÇIRIM: çirim etmezlik** gözüňe uky gelmezlik, ukyň tutmazlyk, uklamazlyk. *Çopanlar uzynly gijäni ojar odunyň başynda çirim etmän geçirdiler* ("Edebiýat we sungat").

**ÇIRK**, *at.* **1**. Kir, hapa, gara tegmil. *Öten agşamky ýagan ýagyş güldür daragtlaryň näzik ýapraklaryny kemsiz ýuwupdy, çirk gatanjyny goýmandy* (G. Kulyýew). **2**. Balygyň işbiliniň daşyndaky ýorka. **3**. *göç.m.* Erbet pikir, ýaramaz niýet, nädogry düşünje. *Men seniň göwnüňde çirk ýokdugyny öňem bilýärdim* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Çirk getirmezlik** gara getirmezlik, ýüzüni gyzdyrmazlyk, utanja goýmazlyk. *Görogly beg , gulak salyň sözüme, Erteki gün çirk getirmäň ýüzüme* ("Görogly").

**ÇIRKEÝ**, *at.* Ýaz aýlarynda döreýän kiçijik ganatly mör-möjejik.

**ÇIRKEÝJIK**, *at.* Owunjak çirkeý. *Owunjak çirkeýjikler elektrik çyrasynyň daşynda gaýmalaşýardylar* (A. Gowşudow).

**ÇIRKEÝLIK**, *syp.* Köp çirkeý bolan, örän köp çirkeýli. *Öten ýylky ýaly çirkeýlik ýyly ýaşulular hem bilmeýärler.*

**ÇIRKIN**, *syp.* ýakymsyzdan örän çasly hem ýiti (ses hakynda). *Anna çirkin gygyryp, ýalpa ýüzüni açdy* (A. Alamyşow). *Men elhenç çirkin sesim bilen gygyrdym* (N. Pomma).

**ÇIRKIN-ÇIRKIN**, *hal.* Gaýta-gaýta çirkin ses bilen. *Ýüregine düwün düşdi, butlaryny sandyradýan atlaryň bir topary çirkin-çirkin kişňedi* (S. Myradow).

**ÇIRKIZDIRMEK** [çirkizzirmek], *işl.* Birine bir zady çirkizmegi ýerine ýetirtmek, birine çirkizmegi buýurmak. *Derini oda çirkizdirmek.*

**ÇIRKIZILMEK**, *işl.* Biri tarapyndan ýalna tutulmak, ýalyn çabradylmak. *Gowkalyk deriniň daşy oda çirkizildi.*

**ÇIRKIZIŞ**, *iş ady.* Çirkizmek ýagdaýy.

**ÇIRKIZME**, *iş ady.* Çirkizmek ýagdaýy.

**ÇIRKIZMEK**, *işl.* Oda, ýalna tutup, hamyň we ş.m. ýüzündäki tüýüni, ýelegini ýakmak, ýalna çabradyp ütmek, ýalna çabradyp ýakmak.

**ÇIRKIZMEKLIK**, *iş ady.* Çirkizmek ýagdaýy. *Kellebaşaýagy oda çirkizmeklik.*

**ÇIRKLI** [çirikli], *syp.* **1**. Hapa degen, gara ýokuşan, kirli. *Çirkli köýnek.* **2**. Erbet pikirli, ýaramaz niýetli (adam).

**ÇIRTDIRMEK** [çiritdirmek] , *işl.* Gan çykar ýaly ýiti gural bilen çyzdyrmak, ýarag bilen dildirmek, azajyk ýaralatmak.

**ÇIRTILMEK**, *işl.* Biri tarapyndan çirtmek işi edilmek.

**ÇIRTIM**, *at*, *sazç.* Sag eliň başam hem-de süýem barmaklary bilen dutaryň bokurdagyndaky, ýagny kädi bilen sapyň birigýän ýeriniň çirtilip ýerine ýetirilýän tilsim.

**ÇIRTMEK** [çiritmek] **I**, *işl.* **1**. Ýiti ýarag bilen sähelçe kesmek, çala dilmek. **2**. Ýolmak, ýokarsyndan ýygmak, ujuny aýyrmak. **3**. *göç.m.* Ýalap geçmek, ýuwaşja awutmak, awuşatmak. *Demirgazykdan ösýän çapgyn şemal garrynyň ýüzüni çirtip geçýärdi* (N. Saryhanow).

**ÇIRTMEK** [çiritmek] **II**, *at.* Torgaý, serçe ýaly guşlary tutmak üçin çybykdan edilýän hepbigiň bir görnüşi. *Oba oglanlary at ýataklaryň, sygyr döleleriň ýanlarynda hepbikdir çirtmek gurýardylar.*

◊ **Çirtmege düşmek** biriniň guran gizlin hilesine, alyna sezewar bolup ele düşmek, aldanmak. *Bizi syýasat bilen çirtmege düşürjek bolýandyr* (G. Kulyýew).

**ÇISŇEMEK** [çi:sňemek], *işl.* Owunjak tozgalap, jybarlap ýagmak, gaty ownuklap ümür ýaly çalajadan tozgalamak, jybarly ýagmak (ýagyş hakynda). *Ikindinaralar çisňäp başlan ýagyş güýçlenmedik hem bolsa, iki sagat çemesi ýagypdy* ("Türkmenistan"). *Howa bulutlaşyp, ýagyş çisňeýärdi* ("Güneş").

**ÇISŇI** [çi:sňi], *at.* Pürküp ýagýan maýda ýagyş, pürkaw, jybar.

**ÇIŞ** [çi:ş] **I**, *at.* **1**. Beden agzalaryna şikes ýetmegi zerarly belli bir ýerde emele gelen ýellenme, gabarçyk, düwün. **2**. Näsaglyk, açlyk sebäpli bütin endamyň ýellenmesi, çişme, ýel ýöreme.

**ÇIŞ** [çi:ş] **II**, *at.* **1**. Ýiti uçly gural (taýak, demir we ş.m. zatlar). *Agajyň bir şahasyndan çiş edip, ýeri gazyp başlapdyr* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. Çişlik bişirilýän sim, ýörite ýasaldylan syh. **3**. Jorap we ş.m. örülýän iki ýa bäş sim. **4**. Esasan ýylgyndan ujy çiş edilip ýasalyp, çukurrak, yzgarly ýerde çümdürilip oýnalýan milli oýun. *Çiş oýny gyzykly hem çylşyrymly oýun, ony oýnamak üçin ukyp hem jaýdar urup bilmek gerek.* **5**. Guýudaky çarhyň hem utunyň içinden geçýän demir ok, basran.

◊ **Çişe düzmek** ölüme sezewar etmek, öldürmek, gynamak, horlamak. *Duşmanyň etini çişe düzmek gerek.* **Çişe kebap etmek** iň gazaply ölüme sezewar etmek, zuluma sezewar etmek. *Ejem, etini çişe kebap etselerem, meni olara sezewar etmejekdigini aýtdy* (N. Pomma). **Çiş telpek** uly, gaba, depesi çürrük telpek. **Gözüne çiş kakylan ýaly bolmak** düýbünden uklasy gelmezlik.

**ÇIŞIBERMEK** [çi:şivermek], *işl.* **1**. Çişip başlamak, ýelden dolup ugramak, ýel berlip goýberilmek. *Üfläp-üfläp ýel berlen pökgi çişiberdi.* **2**. Biriniň üstüne gyzarylmak, barha gaty sürünmek; hondanbärsiremek. *Biderek zat üçin çişibermek.*

**ÇIŞIK** [çi:şik], *syp.* **1**. Semiz, ýogyn, etli-ganly. *Çişik adam.* **2**. Ýellenip çişip duran, pökgerip duran, pökgi. *Çişik garynly.*

**ÇIŞIKLIK** [çi:şiklik], *at.* **1**. Semizlik, ýogynlyk, etli-ganlylyk. **2**. Çişik haldalyk, pökgülik, ýellenip çişip durmaklyk. *Ýüzüniň çişikliginden ýaňa kiçelen gözlerini zordan açyp, daş-töweregine göz gezdirdi.*

**ÇIŞIRILMEK** [çi:şirilmek], *işl.* **1**. Biri tarapyndan ýel berilmek, çişirilen hala getirilmek. *Ýaryş başlanmanka, pökgüleriň hemmesi gaýtadan çişirildi.* **2**. *göç.m.* Bolşundan artdyrylmak, hakykatdakydan köpeldilmek. *Çişirilen sanlar.*

**ÇIŞIRME**, *iş ady.* Çişirmek ýagdaýy.

**ÇIŞIRMEK** [çi:şirmek], *işl.* **1**. Ýel bermek, içini howa bilen doldurmak. *Topy çişirmek. Şary çişirmek*. **2**. Çişmek katdyna ýetirmek (*ser*. **Çişmek 3**, **6**). **2**. *göç.m.* Bolşundan has ulaltmak, rezin ýaly süýndürmek. *Hekaýany gitdigiçe çişirdiň, Powest edip, öňümize süýşürdiň* (R. Seýidow).

**ÇIŞIRMEKLIK**, *iş ady.* Çişirmek ýagdaýy.

**ÇIŞIRTMEK** [çi:şirtmek], *işl.* **1**. Bir zat çiş ýöremegine sebäp bolmak, ýellendirmek. *Köwşe aýagyňy çişirtmek.* **2**. Başga birine ýel berdirmek, ýelden doldurtmak. *Şary çişirtmek*.

**ÇIŞIŞMEK** [çi:şişmek], *işl.* **1**. Az-kem çişmek. *Agyr zähmete çydam bermedik elleri çişişipdi.* **2**. Hondanbärsi bolmak, gomparmak. *Dogmalar-da muňa gaharlanyp çişişip otyrdylar* ("Görogly").

**ÇIŞLEME** [çi:şleme], *iş ady.* Çişlemek ýagdaýy.

**ÇIŞLEMEK** [çi:şlemek], **1**. Çiş dürtmek, çiş çümdürmek, çiş sokmak. **2**. *göç. m.* Öldürmek, janyny jähennem etmek. *Golaýýna barany çişläp ýatyr*. **3**. *göç.m.* Degerli söz aýdyp geplemez ýaly etmek, söz bilen duzlamak, masgaralamak, çüýlemek.

**ÇIŞLEMEKLIK** [çi:şlemeklik], *iş ady.* Çişlemek ýagdaýy.

**ÇIŞLENMEK** [çi:şlenmek], *işl.* Çişe sanjylmak, çişe düzülmek. *Duzlanan balyklar çişlenip goýlandyr.*

**ÇIŞLEŞMEK** [çi:şleşmek], *işl.* **1**. Çişe sanjyşmak, çişe düzmäge kömekleşmek. *Balyklary çişlemek*. **2**. Biri-birini çişlemek. *Ellerindäki uzyn syhlar bilen çişleşipdirler.*

**ÇIŞLETMEK** [çi:şletmek], *işl.* Birine syh, çiş, tyg sançdyrmak, syhlatmak.

**ÇIŞLIK** [çi:şlik], *at.* Dogramça görnüşinde çişe, syha düzülip, közüň üstüne tutulyp bişirilen et. *Men size öz ellerim bilen goýun etinden çişlik bişirip bererin* ("Türkmenistan").

**ÇIŞLIKÇI** [çi:şlikçi], *at.* **1**. Çişlik bişirýän, çişe et düzüp bişirýän adam. *Ol çişlikçi bolup işleýär*. **2**. Çişlik bişirilýän, çişlik taýýarlaýan ýöriteleşdirilen garbanyşhana.

**ÇIŞLIKLIK** [çi:şliklik], *syp.* Çişlik etmek üçin niýetlenen. *Çişliklik et. Bu etiň çişlikligi bar.*

**ÇIŞME** [çi:şme], *iş ady.* Çişmek ýagdaýy.

**ÇIŞMEK** [çi:şmek], *işl.* **1**. Bedene şikes ýetmek zerarly çiş emele gelmek, ýellenmek, pökgermek. *Çörli aga gelip seredende, gelniň eli öňküden hem beter çişipdi* (T. Taganow). **2**. Ýel bilen dolmak, ýel almak, gübermek. *Ýel berlen böwen ýaly çişmek*. **3**. *göç.m.* Biriniň üstüne gyzarylmak, haýbat atmak, herrelmek. **4**. *göç.m.* Gaharlanmak, gahardan ýaňa dolmak. *Özüniň gyzyna bir garybyň sawçy bolup gelenine hum ýaly çişipdir* ("Türkmen halk ertekileri"). **5**. Hondanbärsi bolmak, gopbamsyramak, güplemek, gabarmak. – *Ýeri, çişme, özüni öweniň tanapy çüýrük diýipdirler. Özüňi öwme!* **6**. Gaty ýadamak, daljykmak.

**ÇIT**, *at.* Gülli ýa-da gülsüz ýukajyk nah mata.

**ÇITDIRMEK**, *işl.* Çitmek işini birine etdirmek, dokma dokatmak. *Nabat eje agtygyna haly çitdirdi.*

**ÇITENEK**, *at.* Käbir agaçlaryň çybyklarynyň daşyndaky ownuk ösüntgiler. *Sözeniň çitenegi elimi çyzypdy.*

**ÇITIK I**, *at.* **1**. Gapanyň, çirtmegiň dilini ildirmek üçin diliň gabat garşysyndaky ilgençek, kertik, kertikli demirjik. *Weli, pugta dur, çirtmegiň çitigine guş münýär* (A. Durdyýew). **2**. Aşyk oýnunda: tegelek çyzygyň içindäki dikilen aşygyň kenek bilen urlanda tegelekden çykman, tegelege bir garyş gelip duruş ýagdaýy.

**ÇITIK II**, *at, ser.* **Çitnik**. *Onuň maňlaýyna basylan çitik heniz ýitmändi.*

**ÇITILMEK**, *işl.* Çitim bilen edilmek, çitilip dokalmak. *Ýüzüne metjidiň suraty çitilen halylaryň birnäçesini dokadylar.*

**ÇITIM**, *at.* Haly dokalanda erşiň daşyna dolanyp kesilýän bir kesim. *Seniň käriň kyndygyna sözüm ýok, Belki, her çitimiň-ajap bir şygyr* (K. Gurbannepesow).

**ÇITIMLIK**, *syp.* Çitim etmäge ýararly. *Çitimlik ýüp.*

**ÇITIŞ**, *iş ady.* Çitmek ýagdaýy. *Çepiksije barmajyklaryny çalt işledip, haly çitişi hemmeleri haýran galdyrýardy* ("Edebiýat we sungat").

**ÇITIŞMEK**, *işl.* **1**. Çitmäge kömekleşmek. **2**. Bilelikde çitmek. *Çitim çitişip oturan gelinleriň işleýşine göz ilenokdy*. **3**. Çitmek işinde ýaryşmak, güýç synanyşmak, bäsleşmek. *Haly çitişip ýaryşmak*.

**ÇITME**, *iş ady.* **1**. Çitmek ýagdaýy. **2**. Çitilip dokalan, çitilip edilen (torba, çuwal we ş.m. zatlar). *Tärimleriň ýüzüne argyş çuwal, çitme torba, düýebaşlyk gerlip, milli bezegler bilen bezelipdir.*

**ÇITMEK**, *işl.* Çitim etmek, çitim çitip dokamak. *Ol ikisi artelden alan dokmalarynyň üstünde ýüzlerini galdyrman çitýärdiler* (A. Durdyýew).

**ÇITNELMEK**, *işl.* Ýuwaşja degrilmek, daglanylmak.

**ÇITNEME**, *iş ady.* Çitnemek ýagdaýy.

**ÇITNEMEK**, *işl.* Tebipçilikde gyzdyrylan oragyň ujuny bedeniň agyrýan ýerine (maňlaýa, garna, arka) basmak. *Onuň arkasyny gyzgyn orak bilen çitnediler.*

**ÇITNEMEKLIK**, *iş ady.* Çitnemek ýagdaýy.

**ÇITNEŞMEK**, *işl.* Birine çitnemäge kömekleşmek, gyzgyn demri degrişmek.

**ÇITNETMEK**, *işl.* Birine çitnemäge ýol bermek.

**ÇITNIK**, *at.* Tebipçilikde maňlaýa, arka, garna basylýan gyzgyn orak ujunyň yzy, ýanyk tagma.

**ÇOÇA** [ço:ço], *at.* **1**. *gepl.d.* Düýe. *Dil bilmeseň, burunlykly çoça ýaly, dilmajyň yzynda boýun synyp ýörmäň näme manysy bar?* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *gepl.d.* Tagaşyksyz, gödek, başarnyksyz (adam hakynda). *Wah, çignimi düşürdiň, çoça!* (G. Muhtarow, G. Seýitliýew).

**ÇOÇGAR** [çoçğor/çoşğor], *at.* Bulaşyklyk, kynçylyk, çoşgar.

◊ **Çoçgara (çoşgara) çolaşmak** bulaşyklyga uçramak, kynçylykly ýagdaýa düşmek, başagaýlyga sezewar bolmak. *Men bir bagty gara bolmasam, şeýle çoçgara çolaşarmydym?* (B. Kerbabaýew).

**ÇOG** [ço:ğ], *at.* Közüň, gün şöhlesiniň we ş.m. ýakyp barýan howry, gyzgyny. *Günüň çogy.*

**ÇOGAN** [çoğon], *at. ösümlik. d.* Çalymtyl reňkli çogdam gögerýän ýabany ösümlik (kir ýuwmak üçin peýdalanylan).

**ÇOGANLYK** [çoğonluk], *at.* Çoganyň köp gögeren ýeri, giden çogan bolup oturan ýer. *Şol töwerek, çendan ýeri düýp-düýp çoganlyk, küpürsäp ýatan boz meýdan* (B. Kerbabaýew).

**ÇOGDA** [çoğdo], *at.* Ineriň boýnunyň aşagyndaky ösgün ýüň.

◊ **Çogda çäkmen** çogda ýüňünden edilen çäkmen. *Japbaklar çogda çäkmenlerini süýräp, Doýdugyň öýüne bardylar* (B. Kerbabaýew).

**ÇOGDAM** [çoğdom], *at.* Bir topbak, bir penje, bir üýşmek; desse. *Bir çogdam ot.*

**ÇOGDAMLAMA** [çoğdomlomo], *iş ady.* Çogdamlamak ýagdaýy.

**ÇOGDAMLAMAK** [çoğdomlomok], *işl.* Çogdam edip goýmak, çogdam-çogdam edip üýşürmek, üýşmek edip goýmak, desselemek. *Saçyňy dik depäňde çogdamlap daňarys welin, gelşigiňe geläýersiň* ("Edebiýat we sungat").

**ÇOGDAMLAMAKLYK** [çoğdomlomokluk], *iş ady.* Çogdamlamak ýagdaýy.

**ÇOGDAMLANMAK** [çoğdomlonmok], *işl.* Çogdam edilip goýulmak, topbaklanmak, bir ýere toplanmak. *Süri çogdamlanýar.*

**ÇOGDAMLAŞDYRMAK** [çoğdomloşdurmok], *işl.* Çogdam-çogdam edişdirmek, çogdamlap çykmak. *Kesilen alma çybyklaryny çogdamlaşdyrdym.*

**ÇOGDAMLAŞMAK** [çoğdomloşmok], *işl.* Çogdamlap, üýşürip goýmaga kömekleşmek. *Çybyk çogdamlaşmak.*

**ÇOGDAMLATMAK** [çoğdomlotmok], *işl.* Bir ýere toplatmak, üýşmek etdirmek; çogdamlamagy buýurmak. *Üzüm çybyklaryny çogdamlatmak.*

**ÇOGDAMLAÝYŞ** [çoğdomloýuş], *iş ady.* Çogdamlamak ýagdaýy.

**ÇOGDURMAK** [çoğdurmok], *işl.* **1**. Gaty gaýnadyp, gabyň daşyna döküler ýaly etmek, erňeginden agdyrmak. *Öňler bir penje gowurdagyň üstüne suw guýup, çogduragada gara çorba nan dogranyp iýýän garry, indi naharyny bütinleý başgaça taýýarlady* (B. Öwezow). **2**. Gaty dolduryp, öte gaýnadyp, daşyna dökmek. *Süýdi çogdurmak.*

**ÇOGDURYLMAK** [çoğdurulmok], *işl.* **1**. Gaty gaýnadylyp, gabyň daşyna döküler ýaly edilmek, erňeginden agdyrylmak. **2**. Gaty doldurylmak, aşa gaýnadylyp, daşyna döküler ýaly edilmek.

**ÇOGLY** [ço:ğly], *syp.* Çogy ýeterlik bolan, ýyly; güneşli. *Çogly ülkämizde ýylyň ähli pasyllarynda solmaýan dürli reňkli güller bar* ("Türkmenistan"). *Biz Watana tagzym edýäris, onuň saba-säherlerini, çogly güneşini, ýaşyl begres geýnen ýaýlalaryny, daglaryny-bakjalaryny, ajap çaglaryny ýüzümize sylýarys* ("Watan").

**ÇOGMAK** [çoğmok] **I**, *işl.* **1**. Gaty gaýnap, gabyň daşyna dökülmek. *Süýt gaýnap çogdy*. **2**. Gaty dolup daşyna dökülmek. *Kündükdäki çaý bireýýäm çogupdy*. **3**. *göç.m.* Joş alyp, joşup daşyna çykmak, zogdurylyp çykmak. *Bu gün Türkmen aga öz öýünde çyrasynyň ýagtysyndan, öz topragynyň göwsünden çogup çykýan gazynyň hözirinden peýdalanyp başlady* ("Türkmenistan").

**ÇOGMAK** [çoğmok] **II**, *at, ser.* **Çogdam**. *Ellerde saklanýar çogmak kän güller, Hoşlaşyp galgaýar ençeme gollar* (Ç. Gurbangylyjow).

**ÇOGŞULDAMAK** [çoğşullomok], *işl.* Aýaga geýilýän çokaýyň, çarygyň, köwşüň çoguş-çoguş edip seslenmegi.

**ÇOGŞULDATMAK** [çoğşullotmok], *işl.* Aýakgabyňy çoguş-çoguş edip seslendirmek. *Han küýli çokaýyny çogşuldadyp gapydan girdi* (A. Durdyýew).

**ÇOGUM** [çoğum], *at, ser.* **Çogdam**. *Çogum saç.*

**ÇOGUŞ-ÇOGUŞ** [çoğuş-çoğuş]**: çoguş-çoguş etmek** *ser.* **Çogşuldamak**. *Ol çoguş-çoguş edip barýardy.*

**ÇOH**, *syp., kön.s.* Köp, biçak; örän. *Çoh garaşdym, ajap eýýam gelmedi* (Magtymguly). *Bahaň ýetmez, berse puly, Çoh edepli gyzlaryňdan* (Zynhary).

**ÇOK**, *at.* Märeke, köpçülik, köplük. *Çopan adam çoka bolmaz, ala garga oka gelmez* (Nakyl).

**ÇOKALABERMEK** [çokola:vermek], *işl.* Çokalap başlamak, çokalap ugramak.

**ÇOKALAMA** [çokolomo], *iş ady.* Çokalamak ýagdaýy.

**ÇOKALAMAK** [çokolomok], *işl.* Bir zady yzly-yzyna çüňki bilen çokmak, birsyhly çokup durmak, çokjamak.

**ÇOKALAMAKLYK** [çokolomokluk], *iş ady.* Çokalamak ýagdaýy.

**ÇOKALANMAK** [çokolonmok], *işl.* Bir zat tarapyndan çokulmak, çokalap-çokalap iýilmek. *Çokalanan garpyz paçagy ýatyrdy.*

**ÇOKALAŞMAK** [çokoloşmok], *işl.* Ýerli-ýerden, köp bolup çokalamak. *Towuklar paçagy çokalaşyp durdular.*

**ÇOKALATMAK** [çokolotmok], *işl.* Çokalamaga ýol bermek. *Paçagy towuklara çokalatmak.*

**ÇOKALAÝYŞ** [çokoloýyş], *iş ady.* Çokalamak ýagdaýy.

**ÇOKAÝ** [çokoý], *at.* Teletinden tikilýän, burnunyň üsti seçekli, ökjesiz aýakgap. *Garry baba bir çokaý getirip berdi* ("Görogly"). *Ha çaryk geý, Ha çokaý geý, telpek geý-Parhy ýokdur: geýseň bolar erkek deý* (K. Gurbannepesow). *Kakam pahyr öz döwründe il derdine ýaraýan, ussalykda tanalýan, gaňňa, eýer, howut ýasap, çaryk, çokaý, hokga köwüş ýaly zatlaram tikerdi* ("Türkmenistan").

**ÇOKAÝÇY** [çokoýçy], *at.* Çokaý tikýän ussa.

**ÇOKAÝLYK** [çokoýluk], *syp.* Çokaý tikmek üçin ýaramly bolan, çokaý üçin niýetlenen. *Çokaýlyk gaýyş.*

**ÇOKDURMAK** [çokdurmok], *işl.* Çüňki bilen çokmagyna ýol bermek, çokmak hereketini etdirmek. *Eliňi horaza çokdurmak.*

**ÇOKGA** [çokgo]**: çokga sakgal** diňe eňekde goýulýan sakgal. *Uly ili gyzyl-gyran gülüşdiren çokga sakgal, hortap kişidi* ("Edebiýat we sungat").

**ÇOKJA** [çokjo], *at.* Ýokarky buýnuzy egri, aşakysy göni çüňk, çokmak üçin agyz. *Burnuň nähili, haram guşuň çokjasy ýaly, aňňal oraga dönüpdir* (N. Pomma).

**ÇOKJALABERMEK** [çokjola:vermek], *işl.* Ýeke-ýekeden ýolup çokup başlamak, yzly-yzyna çokuşdyryp başlamak. *Birden üzümi çokjalaberşini geň gördüm.*

**ÇOKJALAMA** [çokjolomo], *iş ady.* Çokjalamak ýagdaýy.

**ÇOKJALAMAK** [çokjolomok], *işl., ser.* **Çokalamak**. *Ol garga ilki bilen tilkiniň guýrugyndan, aýagyndan çokjalap, soň hem onuň garnynyň üstüne münýär* ("Türkmen halk ertekileri").

**ÇOKJALAMAKLYK** [çokjolomokluk], *iş ady.* Çokjalamak ýagdaýy.

**ÇOKJALATMAK** [çokjolotmok], *işl.* Çokup-çokup iýdirmek, çüňküni çümdürtmek, çokjasy bilen ýoldurmak.

**ÇOKJALAÝYŞ** [çokjoloýuş], *iş ady.* Çokjalamak ýagdaýy.

**ÇOKJARMAK** [çokjormok], *işl., gepl.d.* Suwumsyzlyk edip, göze-başa düşmek, sokulmasyz ýere sokulmak, sokjarylmak, soralmadyk zada burnuňy sokmak.

**ÇOKJARYLMAK** [çokjorulmok], *işl., ser.* **Çokjarmak**. *Ol mydam çokjarylyp oturandyr.*

**ÇOKMAK** [çokmok] **I**, *işl.* **1**. Çüňki, çokjasy bilen alyp, düýtmeläp, ýolup iýmek (guş barada). **2**. Çüňki bilen urup dilmek, oýmak. *Garga munuň gözüni çokup oýdy-da kör etdi* ("Türkmen halk ertekileri").

**ÇOKMAK** [çokmok] **II**, *syp., at.* **1**. Biri-birine ýakyn ýerleşýän (birnäçe öý hakda). *Çokmak oba.* **2**. Biri-birine golaý ýerleşen öýlerden ybarat bolan bir bölejik oba, hatar. *Biziň çokmagymyzdanam birnäçe kümüş ussasy çykypdyr.*

**ÇOKUL**, *at.* Gyzlaryň ýeňse çukurynda goýulýan çogdam saç. *Mährijemal dört ýaşyny dolduran wagty ýeňsesinden çokul, iki çekgesinden zülp we alyn saç goýlupdy* (A. Gowşudow).

**ÇOKUNDYRMAK** [çokunnurmok], *işl.* Dini dessury berjaý etdirmek.

**ÇOKUNMAK** [çokunmok], *işl., dini.* Hudaýa ýa-da bir keramatly saýylýan güýje ybadat etmek, ýüz tutmak, uýýandygyňy bildirmek, sygynmak. *Gün ýerdäki ýaşaýşyň çeşmesidir... Şonuň üçin hem gadymy adamlar Güne hudaý hökmünde çokunypdyr* ("Güneş").

**ÇOKUNYLMAK** [çokunulmok], *işl.* Hudaýa ýa-da keramatly güýje ybadat edilmek.

**ÇOKUŞMAK** [çokuşmok], *işl.* Iki ýa-da köp bolup çokmaga girişmek; ýerli-ýerden çokmak (guşlar hakynda).

**ÇOLA** [çolo], *syp.* **1**. Daş-töweregi boş, beýlekilerden çetde, köplükden gyrada ýerleşen. *Çola ýer.* **2**. Adamsyz, janly-jemendesiz, adam-gara az, selçeň bolan. *Obanyň köçeleri çolady*.

**ÇOLAK** [çolok], *at.* **1**. Aýagy kesilip ýa-da döwlüp maýyp bolan, daraklygy bolmadyk. **2**. Goly şikesli, çonak.

**ÇOLAKLYK** [çolokluk], *at.* **1**. Aýagy maýyp bolanlyk, aýagy maýyplyk; topukdan aşagy, daraklygy ýokluk. **2**. Goly şikeslilik, çonaklyk.

**ÇOLALYK** [çololuk], *at.* **1**. Daş-töweregi boşluk, çetdelik; goňşusyzlyk. *Öwezmyrat batyr çolalykdan peýdalanmak isledi* (A. Gowşudow). **2**. Adam-gara, janly-jemende ýokluk. *Şunuň ýaly çolalykda, şonuň ýaly gür çöpde çendan doňuz hem uçraýardy* (B. Kerbabaýew).

**ÇOLAMAK** [çolomok], *işl.* **1**. Bir zady başga bir zadyň arasyna salyp dolamak, daşyny örtmek, oramak. *Kagyza çolap bir atym çaý aldy, çörek aldy* (B. Seýtäkow). **2**. Bir zadyň daşyny saramak, oramak. *Ol saçlarynyň ujuny süýem barmagyna çolap, dodaklaryny ýyrşartdy* (B. Gulow). **3**. Bir zat bilen büremek, üstüni örtmek, dolamak.

**ÇOLAN** [çolon], *at.* Deňiz oty.

**ÇOLANMAK** [çolonmok], *işl.* Daşyňa bir zat dolanmak, örtünmek. *Ýolagçylyk adaty boýunça içmeklerimize çolanyp gyşaryşdyk* (A. Gowşudow).

**ÇOLARMA** [çolormo], *iş ady.* Çolarmak ýagdaýy

**ÇOLARMAK** [çolormok], *işl.* Adam-gara gidip başlamak, çola bolmak, boşaşmak.

**ÇOLARTMAK** [çolortmok], *işl.* Töwereginde hiç zat, hiç kim goýmazlyk, daş-töweregini çola ýagdaýda goýmak. *Wäşi myhman gaýtdy-da, öýümizi çolardyp gitdi.*

**ÇOLARYŞ** [çoloruş], *iş ady.* Çolarmak ýagdaýy.

**ÇOLAŞDYRMAK** [çoloşdurmok] **I**, *işl.* Biri-biriniň içinden geçirip bulaşdyrmak, garyşdyrmak, bulam-bujar etmek. *Sapagy çolaşdyrmak.*

**ÇOLAŞDYRMAK** [çoloşdurmok] **II**, *işl.* Birnäçe zady kagyza we ş.m. zada çolap çykmak, dolaşdyrmak.

**ÇOLAŞMAK** [çoloşmok] **I**, *işl.* **1**. Biri-biriniň içinden geçip bulaşmak, bulam-bujar bolmak. *Telefon simi çolaşdy.* **2**. Daşyna aýlanmak, oralmak, dolaşmak. *Bir gün ir säher bilen ýataga bardym, bir öküzçe ýüpüne çolaşyp galypdyr* ("Türkmenistan"). **3**. *göç.m.* Ýaramaz işe baş goşmak, bir zada baş goşmak. *Ahyr biri bilen çolaşdy, sag-aman başyny sypdyryp bilse-de ýagşy!*

**ÇOLAŞMAK** [çoloşmok] **II**, *işl.* Daşyna oraşmak, dolaşmak.

**ÇOLAŞMAKLYK** [çoloşmokluk], *iş ady.* Çolaşmak ýagdaýy.

**ÇOLAŞYK** [çoloşuk], *syp.* **1**. Bulam-bujar, ujy ýiten, bulaşyk. *Çolaşyk ýüp.* **2**. Baş çykarardan kyn, bulaşyk, agyr, çylşyrymly, başy-aýagy näbelli. *Çolaşyk meseleler.*

**ÇOLAŞYKLYK** [çoloşukluk], *at.* Baş çykarar ýaly dällik, bulaşyklyk, agyrlyk, çylşyrymlylyk. *Beýle çolaşyk meseleleri çözmekden meniň başym ejiz* (B. Kerbabaýew).

**ÇOLATMAK** [çolotmok], *işl.* Bir zadyň daşyny dolatmak, çolamaga ýol bermek. *Alan zadyny kagyza çolatmak.*

**ÇOLPULAMAK** [çolpulomok], *işl.* Çolpy bilen süzüp almak, çolpy bilen suwdan çykarmak. *Gara selmeden, ýorunjadan gaýnan gögi çolpuladylar.*

**ÇOLPULANMAK** [çolpulonmok], *işl.* Çolpy bilen süzülip alynmak, çolpudan geçirilmek. *Bişirilen ysmanak basym çolpulandy.*

**ÇOLPULAŞMAK** [çolpuloşmok], *işl.* Çolpy bilen süzmäge kömekleşmek, çolpudan geçirişmek.

**ÇOLPULATMAK** [çolpulotmok], *işl.* Çolpy bilen süzdürmek, çolpy bilen suwuny sarkyrtmak, çolpy bilen saýlatmak. *Ol gaýnadylan gögi uly gyzyna çolpulatdy.*

**ÇOLPULYK** [çolpuluk], *at.* Çolpy etmäge ýaraýan, çolpy bolar ýaly, çolpy üçin. *Ol ak söwütden çolpulyk inçe çybyklar kesdi.*

**ÇOLPY**, *at.* **1**. Söwüt çybygyndan örülen süzgüç, örme susguç. **2**. *göç.m.* El, penje. *Olaryň çolpusyna düşen zat bolmandyr.*

◊ **Çolpyňa ilmek** bir zady gola salmak, ele düşürmek.

**ÇOLUK**, *at.* **1**. Çopanyň kömekçisi. *Çopanlar, çoluklar, suwçular bizi gadyr bilen garşyladylar* (N. Pomma). **2**. Oglana dakylýan at.

**ÇOLUKÇYLYK** [çolukçuluk], *at, ser.* **Çoluklyk**. *Oglumy hojanyň elinden alyp, bir baýa çolukçylyga berdim* (N. Saryhanow).

**ÇOLUKLYK** [çolukluk], *at.* Çolugyň käri, ýagdaýy, çolukçylyk.

**ÇOMAK** [çomok], *at, kön.s.* Sowuk ýarag hökmünde ulanylan, tutary gaýyşly, ujy diş-diş tommaýly, gysga saply söweş taýagy, serdesse. *Çalabilen ýigide ok ile gylyçdan bir çomak ýeg* ("Kitaby dädem Gorkut").

**ÇOMAKAÝ** [çomokoý], *at, ser.* **Çomy**. *Nazaryň eli çomakaýdan sypsa, şol ýagdaýda başaşak togalanyp gaýdýardy* (B. Kerbabaýew).

**ÇOMMAK** [çommok] **I**, *işl.* Eňegini suwa basyp içmek (düýe hakynda).

**ÇOMMAK** [çommok] **II**, *at.* Towlanyp gaýymlanmak üçin hyrly, daşy gyraňly togalak demir enjam.

**ÇOMMALMAK** [çommolmok], *işl.* Dyzyňy epip, iki aýagyň üstünde oturmak. *Ol çommalyp oturan ýerinden aşak çöküp ornaşdy* (Ý. Mämmediýew). *Eli bilen kesemen tamdyr çörekli çykybam, durnaň gözi ýaly dury suwly ýabyň boýunda çommalyp oturdy-da suw bilen nan iýmäge başlady* ("Türkmenistan").

**ÇOMMALTMA** [çommoltmo], **1**. *iş ady.* Çommaltmak ýagdaýy. **2**. Towuga degýän ýokanç kesel.

**ÇOMMALTMAK** [çommoltmok], *işl.* Ýokary galdyryp, uzadyp görkezmek, uzatmak, barmak bilen yşarat etmek. *Ol kimdir birine gürrüň berýän ýaly barmagyny çommaldýardy* ("Edebiýat we sungat").

**ÇOMP-ÇOMP**[çomp-çomp], *gepl.* Düýe suwa çagyrylanda aýdylýan söz.

**ÇOMRULYK** [çomruluk], *at.* Oturymlylyk we ekerançylyk bilen meşgul bolmaklyk. *Çomrulyk döwri.*

**ÇOMRY**, *at.* Oturymly we ekerançylyk bilen meşgul bolýan ilat. *Çomry durmuşy.*

**ÇOMUÇ**, *at.* Gumda, dagda bitýän ýogyn baldakly, ownuk ösüntgili ösümlik.

**ÇOMUÇLYK** [çomuşluk], *at.* Çomujyň köp bitýän ýeri, çomujyň köp ýeri.

**ÇOMUR**, *at, ser.* **Çomry**.

**ÇOMY**, *at.* Howudyň sypal dykylan, somalyp duran yzky bölegi, çomakaý.

◊ **Çomy ýaly bolup oturmak** dikelip gymyldaman oturmak.

**ÇONAK** [çonok], *syp.* Eline, goluna şikes ýeten, eli, goly şikesli.

**ÇONAKLYK** [çonokluk], *at.* Eli, goly şikeslilik, çonagyň ýagdaýy. *Ol öz çonaklygyna kemsinmän duranokdy.*

**ÇOPAN** [çopon], **1**. Mal, süri bakýan adam. *Gelnimiň aýagy, çopanymyň taýagy* (Aýtgy). *Çopan halky sowukganly, giň göwrüm, batyr ýürekli bolmaly* ("Türkmenistan"). **2**. *göç.m.* Birine gözegçilik edýän adam, birinden habarly bolmaly adam. *Men onuň çopany däl ahyry.* **3**. Türkmen milli göreşinde ulanylýan bir emel. **4**. Oglana dakylýan at.

◊ **Çopana meýlis haram** işli-güýçli adam öz işi bilen gümra bolsa ýagşy, işli adamyň gürrüňçilige, söhbede gatnaşmaga ýagdaýy bolmaz. – *Ýagşy ýigit, "Çopana meýlis haram" diýenleri, bu adamlar mydama ýetişiksiz gara gündedir* (Ý. Mämmediýew). **Çopan ýyldyzy** daňdan dogýan ýyldyz.

**ÇOPANBADAK** [çoponmadak], *at.* Türkmen milli göreşinde salynýan badagyň bir görnüşi. *Ýeri gelende çopanbadagyny salaryn welin, biline urlan ýylan ýaly bolaýar* (R. Gelenow).

**ÇOPANÇÖKEREN** [çoponçökörön], *at.* Dag otlarynyň bir görnüşiniň ady.

**ÇOPANÇYLYK** [çoponçuluk], *at.* Çopanyň käri, ýagdaýy, çopanlyk. *Men ol wagtlar çopançylyk edýärdim.*

**ÇOPANLYK** [çoponluk], *at, ser.* **Çopançylyk**. *Otuz ýyldyr düýe çopan, Çopanlykdan döwlet tapan* (K. Gurbannepesow).

**ÇOPANSÖÝER** [çoponsöýör], *at.* Goýnuň kyrkgarny, goýnuň kiçi garny.

**ÇOPANTAK** [çopontok], *syp.* Özüne degişli sözi aýdyp, başga gep bilen işi ýok adam, sada, mön.

**ÇOPANTAKLYK** [çopontokluk], *at.* Çopantak ýagdaýdalyk, çopantak görnüşdelik.

**ÇOPANTELPEK** [çopontelpek], *at.* Inçe baldakly, ak tegelek sary gülli ot. *Ol gyzyl güläleklериň, mawy gülli çigildemleriň, al-ýaşyl jümjümedir çopantelpekleriň berýän lezzetini hiç zat bilen çalşyp biljek däldi* ("Türkmenistan").

**ÇOR**, *at.* Elde, aýakda gatap galan kir, kirli kesmek. *Çor basan aýaklary ýalaňaçdy.*

**ÇORBA** [ço:rvo], *at.* Içine et, gowurdak, kartoşka, sogan we ş.m. zatlar atylyp bişirilýän suwuk nahar. *Çorba bir sapar çogansoň gaýnawyny peseltmeli* ("Türkmenistan").

◊ **Çorba çykary** gowusy, iş başarjaňy, iň abraýlysy. *Ine, inim, şu oturanlar şu obanyň çorba çykarraklary* (B. Seýtäkow). **Çorba sowatmak** köp zähmet çekmek, köp işlemek; bir zady bilmek, öwrenmek üçin iş edinmek. *Ol bu tehnikany halaýar, ony öwrenmek üçin çorba sowadýar.*

**ÇORBA-ÇAGAR** [ço:rvo-çağar], *at, gepl.d.* Çorba we şoňa meňzeş nahar. *Men işden gelýänçäm iň bolmanda çorba-çagar edäýseň bolmaýarmy?!*

**ÇORBALYK** [ço:rvoluk], *at.* **1**. Çorba etmek üçin niýetlenip goýlan, çorba eder ýaly (et, huruş). **2**. Gaty semiz däl, özüni gowrardan horrak. *Onuň alan goýnunyň çorbalygy bar.*

**ÇORGA** [çorğo], *at.* Atyň bakanynyň üstündäki ösgün, topbajyk tüý. *Gök köýnegi dyzyndan, Atly ýetmez yzyndan, Ýeten atlar ýorgadyr, Aýaklary çorgadyr* (Halk döredijiliginden).

**ÇORLAMAK** [çorlomok], *işl.* Kir basmak, kirli kesmek bilen basyrylmak, örtülmek, çor baglamak, şorlamak.

**ÇORLATMAK** [çorlotmok], *işl.* Kirletmek, çor baglatmak, gara kir etmek, şorlatmak.

**ÇORLY**, *syp.* Kir basan, çor, kirli kesmek baglan. *Ol üşeýän çorly ellerini owkalaşdyrdy* (N. Saryhanow).

**ÇORTAN** [çorton], *at.* Süýji suwda ýaşaýan, ýasy, süýnmek, kellesi uzyn ýyrtyjy balyk.

**ÇORTMAK** [çortmok], *syp.* Ýogyndan gelen kelte, uzyn bolmadyk, gysga. *Çortmak boýly. Çortmak barmaklar.*

**ÇORULYK** [ço:ruluk], *at, kön.s.* Çorynyň käri, ýagdaýy.

**ÇORY** [ço:ry], *at, kön.s.* Öý hyzmatkäri, gullukçy, hyzmatkär aýal, gyrnak. *Ýagynly gün çory taýak iýer* (Nakyl). *Bu kenizler Reýhan arabyň çorularydy* ("Görogly").

**ÇOŞGAR** [çoçğor/çoşğor], *at, ser.* **Çoçgar**.

**ÇOT**, *at.* Sanlary hasaplamak üçin ulanylýan, simlere düzülen, tegelejik düwmeli iş esbaby.

◊ **Çota düşmek** çykdaja galmak, hemme harç edilen zady tölemek.

**ÇOTGA** [çotgo], *at.* **1**. Geýimi tozandan arassalamak, aýakgaby we ş.m. zatlary reňklemek, arassalamak üçin ýüzüne gyl oturdylan ýörite ýasyja enjam. *Durdy çotga tapyp, eşikleri çotgalap başlady* (K. Jumaýew). **2**. Reňk, ýag çalmak, jaýy agartmak üçin ulanylýan uzyn topbak ýa süýnmek gylly, agaç saply iş guraly. **3**. Suratçynyň reňke batyryp surat çekýän esbaby.

**ÇOTGALABERMEK** [çotgola:vermek], *işl.* Çotga bilen arassalap ýa-da reňk çalyp başlamak, arassalap, reňkläp başlamak.

**ÇOTGALAMA** [çotgolomo], *iş ady.* Çotgalamak ýagdaýy.

**ÇOTGALAMAK** [çotgolomok], *işl.* Çotga bilen arassalamak, çotga bilen hapasyny aýyrmak, reňklemek. *Işikde durup, ädigini arassalady, eşiklerini çotgalady* (N. Saryhanow).

**ÇOTGALAMAKLYK** [çotgolomokluk], *iş ady.* Çotgalamak ýagdaýy.

**ÇOTGALANMAK** [çotgolonmok], *işl.* Biri tarapyndan çotga bilen arassalanmak, reňk, ýag çalynmak.

**ÇOTGALAŞDYRMAK** [çotgoloşdurmok], *işl.* Hemmesini bir-birden çotgalap çykmak, gezekli-gezegine çotgalamak.

**ÇOTGALAŞMAK** [çotgoloşmok], *işl.* Çotga bilen arassalamaga kömekleşmek.

**ÇOTGALATMAK** [çotgolotmok], *işl.* Birine çotga bilen arassalatmak; çotgalamaga mejbur etmek. *Halynyň ýüzüni çotgalatmak.*

**ÇOTGALAÝYŞ** [çotgoloýuş], *iş ady.* Çotgalamak ýagdaýy.

**ÇOTLAMA** [çotlomo], *iş ady.* Çotlamak ýagdaýy.

**ÇOTLAMAK** [çotlomok], *işl.* Çot kakyp hasaplamak. *Ol çekim işini gutarandan soň, şol günki ýyglan pagtalary çotlap boldy-da, minnetdarlyk bilen dillendi.*

◊ **Çotlap görmek** hasaplamak, çaklamak, goramçenini bilmek. *Ol jemgyýetçilik durmuşynda nähili peýdalar getirjekdigini telim gezek çotlap görüpdi* (G. Kulyýew).

**ÇOTLAMAKLYK** [çotlomokluk], *iş ady.* Çotlamak ýagdaýy.

**ÇOTLANMAK** [çotlonmok], *işl.* Biri tarapyndan çot bilen hasap edilmek.

**ÇOTLAŞMAK** [çotloşmok], *işl.* **1**. Çot kakmaga kömekleşmek, çot bilen hasaplamaga kömek etmek. **2**. *göç.m.* Eden-goýan zadyňy hasaplaşmak, haklaşmak. *Ikimiziň aramyzda çotlaşyp ýörer ýaly ynamymyz gaçmandyr ahyry*.

**ÇOTLATMAK** [çotlotmok], *işl.* Hasap-hesibi çot bilen çykartmak, hasaplaşyk geçirtmek; barlatmak. *Men geçen aý gazanan günlerimi çotlatdym.*

**ÇOTLAÝYŞ** [çotloýuş], *iş ady.* Çot kakmak ýagdaýy. *Onuň çotlaýşy meniňkiden başgaça boldy.*

**ÇOW**, *at.* Mata gyýlanda emele gelýän burç, burçly uç. *"Dogumlydy, wah, deňsiz-taýsyz dogumlydy. Arman, ömri keç geldi-dä pahyryň" diýip, sandyraýan barmaklary bilen gyňajynyň çowuny nemi kepän didelerine ýetirýär* ("Türkmenistan").

**ÇOWDARY** [çowdory], *at, ösüml.d.* Däneliler maşgalasyna degişli içi boş, bogun-bogun baldakly, ýapragy insiz uzyn, uly sümmülli, gylçykly otjumak ösümlik. *Obanyň maldarlary şu ýyl gawun, garpyz we çowdary ekdiler.*

**ÇOWDUR** [çowdur], *at.* Türkmen taýpalarynyň biriniň ady.

◊ **Çowdur ýoly** Daşoguz welaýatynyň Boldumsaz etrabynyň dessançy bagşylarynyň aýdym aýdyş usuly.

**ÇOWLAMA** [çowlomo], *iş ady.* Çowlamak ýagdaýy.

**ÇOWLAMAK** [çowlomok], *işl.* **1**. Ýonup ýa-da gyýyp çow etmek, burç, uç emele getirtmek, ujuny inçeltmek. *Taýagyň ujuny çowlamak.* **2**. Oda, ýalna tutup ýüzüni çirkizmek, bir zadyň ýüzüne ýalyn çabratmak. *Ýüzüň näme ot çowlan ýaly?*

**ÇOWLAMAKLYK** [çowlomokluk], *iş ady.* Çowlamak ýagdaýy.

**ÇOWLANMAK** [çowlonmok], *işl.* Çowly bolmak, çow emele gelmek. *Ol çowlanan murtuny towlady*.

**ÇOWLATMAK** [çowlotmok], *işl.* **1**. Ujuny ýonup inçeltmek, çow etdirmek. *Gazyk ediljek taýagy çowlatmak*. **2**. Ýüzüni çirkizdirmek, ýalna çawlatmak.

**ÇOWLUK**, *at.* Agtykdan önen çaga. *Öýüň ähli kemçiliginem çekmek bilen ogul, gelin, agtyk, çowluklarynyň ählisiniň agzybirligini, sagdynlygyny berk saklardy* ("Türkmenistan").

**ÇOÝDURMAK** [ço:ýdurmok], *işl.* Çoýmaga mümkinçilik bermek, çoýmak işini etdirmek. *Elini oda çoýdurmak.*

**ÇOÝMAK** [ço:ýmok], *işl.* **1**. Üşeýän ýeriňi ýa-da öl zady, geýimi oda tutup ýylatmak, guratmak, birazrak gyzdyrmak. *Damjaň şyp-şyp edip damýan ýerleriniň aşagyna okara, çanak, jam, bedre goýuşdyryp, oduň başyna geçdi-de, elini oda çoýdy* (N. Saryhanow). **2**. *göç.m.* Kalbyň ýylysyny bermek, mähriň bilen ýylatmak. *Çagany enelik mähri bilen çoýmak.*

**ÇOÝMAKLYK** [ço:ýmokluk], *iş ady.* Çoýmak ýagdaýy.

**ÇOÝULMAK** [ço:ýulmok], *işl.* **1**. Oduň ýylysyna tutulmak, guradylmak üçin ýyladylmak. *Myžžyk geýimler oda çoýuldy.* **2**. *göç.m.* Howandarlyk, hossarlyk edilip, yssy mähir berilmek. *Her bir çaga ene mähri bilen çoýulmagyna mätäç bolýar.*

**ÇOÝUN**, *at.* Uglerod gatyşykly demir magdandan eredilip alynýan metal. *Duşmanyň çoýundan ýasan berkitmesi çym-pytrak edildi* (A. Gowşudow).

**ÇOÝUNMAK** [ço:ýunmok], *işl.* Özüňi oda çoýmak, ýylynmak.

**ÇOÝUŞ** [ço:ýuş], *iş ady.* Çoýmak ýagdaýy.

**ÇOÝUŞMAK** [ço:ýuşmok], *işl.* Ýerli-ýerden çoýmak, birnäçe bolup çoýmak; çoýmaga kömek etmek. *Olar öl bolan eşiklerini oda çoýuşyp otyrdylar* ("Edebiýat we sungat").

**ÇOZDURMAK** [çozzurmok], *işl.* **1**. Birine çozmaga ýol bermek, çozmaga mümkinçilik döretmek. *Duşmany duýdansyz çozdurmak*. **2**. Bir ýere topar, köpçülik bolup çozmagyna ýol bermek, çozar ýaly etmek. *Sürini suwa çozdurmak.*

**ÇOZGUN** [çozğun], *at.* Köpçülikleýin hüjüm, bir zadyň üstüne çozuş, çozgy.

**ÇOZGUNLYK** [çozğunluk], *at.* Köpçülikleýin yzly-yzyna edilýän hüjüm, çozgun, gaýtalanyp duran çozuş, çozgun ýagdaýy.

**ÇOZGY** [çozğy], *at, ser.* **Çozgun**.

**ÇOZHA-ÇOZ** [çozha:-çoz], *at, ser.* **Çozha-çozluk**. *Ýadyňda barmy, çozha-çozuň öňki gijesi men seniň ýanyňa şu ýigit bilen barypdym* (B. Kerbabaýew).

**ÇOZHA-ÇOZLUK** [çozha:-çozluk], *at.* Iki ýa-da bir taraplaýyn edilýän çozgun, çozgunlyk, toparlaýyn çozuş.

**ÇOZMA** [çozmo], *iş ady.* Çozmak ýagdaýy. *Olaryň gapylkak çozmasy wagtlaýyn ýeňşe getirdi.*

**ÇOZMAK** [çozmok], *işl.* **1**. Köpçülikleýin hüjüm etmek, duýdansyz biriniň üstüne dökülmek. *Duşmanlar dört tarapymyzdan çozdular*. **2**. Köp bolup bir ýere eňmek, süri bolup bir ýere bosup barmak. *Ähli adamlar güpürdeşip gapa çozdular* (B. Pürliýew).

**ÇOZULMAK** [çozulmok], *işl.* Talamak, eýelemek maksady bilen goşun sürülmek, köpçülik bolup çozmak işi edilmek.

**ÇOZUŞ**, *iş ady.* **1**. Çozmak ýagdaýy. **2**. *ser.* **Çozgun**. *Olar duşmanyň çozuşlaryny puja çykaryp, tiz wagtdan hüjüme geçdiler* (G. Gurbansähedow).

**ÇOZUŞMAK** [çozuşmok], *iş ady.* Ýerli-ýerden topar-topar bolup eňmek, birnäçe bolup çozmak.

**ÇÖK**, *işl.* Düýe çökeriljek bolnanda aýdylýan söz. *Ol: "Çök!" diýip, düýesini çökerdi.*

**ÇÖKDER** [çökdör], *syp.* Agyr, çekip-çydar ýaly däl. *Onuň soňky sözi has çökder boldy.*

**ÇÖKDÜRMEK** [çökdürmök], *işl.* Çökerip oturtmak, çöke düşürmek, çökermek (seýrek ulanylýar). *Ol düýäni çökdürmek üçin köp synanyşdy.*

**ÇÖKE** [çökö]: **çöke düşmek 1)** iki dyzyňy ýere berip, üstünde oturmak. **2)** birine boýun bolmak, boýun egmek; ýalbarmak, birinden bir zat haýyş etmek.

**ÇÖKELIK** [çökölük], *at.* Aýrandan gaýnadylyp alynýan önüm. *Ol ýaýykdaky aýrany uly gazana guýup, çökelik gaýnatdy.*

**ÇÖKERIŞDIRMEK** [çökörüşdürmök], *işl.* Ýeke-ýekeden çökermek, çökerip çykmak, hemmesini çökermek. *Abdy erkekleri suwly çeleklere ýantap çökerişdirdi* (B. Gurbanow).

**ÇÖKERIŞMEK** [çökörüşmök], *işl.* Çökermäge kömekleşmek.

**ÇÖKERMEK** [çökörmök], **1**. Aýaklaryny dyzyndan epdirip oturtmak (düýe hakynda). *Japbaklar bugrany arpanyň içinde çökerdiler* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Ykdysady taýdan tapdan düşürmek, halys etmek; ahlak, ruhy taýdan sandan çykarmak, güýçden gaçyrmak. *Ady ýitmiş uruşdyr bizi çökeren* ("Edebiýat we sungat").

**ÇÖKERTMEK** [çökörtmök], *işl.* Çökermek işini birine etdirmek, aýaklaryny epip oturtdyrmak. *Düýäni çökertmek.*

**ÇÖKET** [çököt], *syp.* Oý, çöken, daş-töweregindäki ýerden pes; pesde ýerleşen.

**ÇÖKETLIK** [çökötlük], *at.* Çöket bolup ýatan birnäçe ýer, oýluk, peslik. *Çöketlikde otlap ýören goýun sürüsine golaý bardyk.*

**ÇÖKGÜN**, *syp.* **1**. Içine giden, çöken, çökük. *Onuň kiçijik çökgün gözi ýyldyr-ýyldyr etdi* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *göç.m.* Keýpsiz; gamgyn, tukat. *Ol çökgün göwnüni galkyndyrjak adama duşupdy.*

**ÇÖKGÜNLIK** [çökgünlük], *at.* **1**. Çökgün ýagdaýdalyk; keýpsiz haldalyk. *Töweregine çökgünlik bilen ser salyp barşyna, golaýda ýaňlanyp eşidilýän owazy göwünli-göwünsiz diňleýärdi* (G. Kulyýew). **2.**Ykdysady krizis**.**

**ÇÖKGÜT**, *syp.* Içine çöken, çökük, çöket. *Awçy çökgüt ýeriň ýatmaga amatlydygyny bildi.*

**ÇÖKMEK** [çökmök], *işl.* **1**. Suw gitmek, yzgar çekmek we ş.m. zerarly öňki derejesinden aşak düşmek, peselmek, töwerekleýin oýulmak (ýer, diwar we ş.m. hakynda). *Çagyldan binýatly jaýlar adatça köp gatly bolanda-da çökmeýär* ("Türkmenistan"). **2**. Aýaklaryny dyzyndan epip oturmak (düýe hakynda). *Düýe agynaga baryp çökdi.* **3**. Suwuň, suwuklygyň düýbüne gitmek, aşak batmak. *Börekler gazanyň düýbüne çökdi*. **4**. *göç.m.* Özüňi aşak goýbermek, oturmak, ýerleşmek, ornaşmak. *Men barşyma oduň başyna çökdüm* ("Edebiýat we sungat"). *Ol uludan demini alyp, kabinetiň gapysyny ýapdy-da, sekretar gyzyň ýanyndaky boş stula çökdi* (R. Allanazarow). **5**. *göç.m.* Halys bolmak, gurpdan düşmek. *Janyňa seretmeseň, bir gün çöküp galarsyň*. **6**. *göç.m.* Aşak gaýtmak, ýykylmak, opurylmak. **7**. *göç.m.* Ykdysady, maddy taýdan ysgyndan gaçmak. *Çöken hojalygy galdyrmak.*

**ÇÖKÜK**, *syp.* Keýpi bolmadyk, gamgyn, keýpsiz, tukat, çökgün. *Hemmäniň göwni çökükdi, sussy basykdy* (G. Kulyýew).

**ÇÖKÜNDI** [çökunnü], *at.* Suwuň ýa-da suwuklygyň düýbünde aşak çöküp galan galyndy, gyrmança we ş.m.

**ÇÖKÜŞMEK**, [çöküşmök], *işl.* **1**. Suw gitmek ýa-da yzgar çekmek zerarly öňki derejesinden, katdyndan birneme aşak çökmek, aşak düşmek. *Suw tutulansoň, pel çöküşipdir*. **2**. Birnäçe bolup çökmek, çöküp oturmak, yzly-yzyna çökmek. *Ýadaw düýeler yzly-yzyna çöküşip başlady.*

**ÇÖL I**, *at.* Gurak howaly, gyrymsy ösümlikli giň meýdan, gumluk meýdan; ynsan az ýaşaýan, suwsuz

toprak. *Çöl ýerlerde, suwsuzlykda galmyşam, Gyrat meni Çandybile sen ýetir* ("Görogly").

◊ **Çölde galmak** töwerek-daşyň boşap galmak, ýeke, hossarsyz galmak. **Çöle çykmak** öýe, ile sygman, baş alyp gitmek, däli-telbe bolmak.

**ÇÖL II**, *syp.* Örän az, seýrek duş gelýän, gyt.

**ÇÖL-BEÝEWAN** [çöl-veýewa:n], *at.* Adam-gara ýaşamaýan çola ýer, giň meýdan, suwsuz çölüstan, çöllük ýurt. *Ýolsuz-ýodasyz çöl-beýewanda eşegini dikgirdedip sürüp barýar* (H. Derýaýew).

**ÇÖLEMEK** [çölömök], *işl., gepl.d.* Azalmak, seýrekläp başlamak.

**ÇÖLLEMEK** [çöllömök], *işl.*, *gepl. g.* Suwsamak.

**ÇÖLLÜK** [çöllük] **I**, *at.* Aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän çöl meýdanlyk, giden çöl meýdan. *Öýleriň gaýrasy giden çöllükdi*.

**ÇÖLLÜK** [çöllük] **II**, *at.* Gytlyk, gahatlyk, azlyk.

**ÇÖLÜSTAN** [çölüssa:n], *at, ser.* **Çöl-beýewan**.

**ÇÖLÜSTANLYK** [çölüssa:nlyk], *at.* Çölüň köp ýeri, bir giden çöllük. *Bir bar eken, bir ýok eken, bir çölüstanlykda bir tilki bar eken* ("Türkmen halk ertekileri"). *"Adam eli – gyzyl gül" diýleni, düýnki çölüstanlyk indi hakyky gülüstanlyga öwrüldi* ("Türkmenistan").

**ÇÖMMEK** [çömmök], *at, gepl.d.* Dag gerşiniň, depäniň we ş.m. beýgelip, ýiti burun bolup çykýan ýeri, depesi, iň beýik ýeri.

**ÇÖMMELMEK** [çömmölmök / çömmörmök ], *işl.* Çömmek bolup çykmak, ýokaryk somalyp durmak.

**ÇÖMMELTMEK** [çömmöltmök], *işl.* Ýokarlygyna ýa bir tarapa somaldyp, süýndürip çykarmak. *Ol dodagyny çömmeldip, kimdir biriniň agzyna öýkündi.*

**ÇÖŇŇE** [çöňňö], *syp.* **1**. Gowy görmeýän, kütek (göz hakynda). **2**. Emelsiz, başarnyksyz, hiç zat oňarmaýan, hiç zatdan başy çykmaýan. *Bir molla talyplarynyň iň çöňňesine sapak öwredeninde, her gezek ýalňyşan ýerinde onuň burnuna pitiklär eken* ("Türkmen halk ertekileri").

**ÇÖŇŇELIK** [çöňňölük], *at.* **1**. Gowy görmezlik, küteklik (göz hakynda). *Batyr aga gözüniň çöňňeliginden gaty käýindi* (N. Pomma). **2**. Emelsizlik, başarnyksyzlyk, zatdan başy çykmazlyk. *Ol şol çöňňeligine-de galdy.*

**ÇÖŇŇELIŞMEK** [çöňňölüşmök], *işl.* Dura-bara küteleşmek, kem-kemden çöňňe halyna gelmek. *Gözlerem, huşlaram çöňňelişipdir*.

**ÇÖŇŇELMEK** [çöňňölmök], *işl.* **1**. Görüş ukyby gaçyp ugramak, gözi küteleşmek. *Gara daşdan gara gyly saýlan göz, Çöňňeler görejiň göze myhmandyr* (Magtymguly). **2**. Ýadyň, huşuň kütelmek.

**ÇÖŇÜR** [çöňür], *at.* Ýere golaý kesilen agajyň, gaty baldakly çöp-çalamyň çykyp duran töňňesi, çöňürsek. *Somalyp duran çöňrüň ujundan tutup, zarp bilen bir çekeninde, ony goparyp zyňdy* (H. Derýaýew).

**ÇÖŇÜRSEK** [çöňürsök], *at, ser.* **Çöňür**. *Birden meniň aýagyma bir çöňürsek urdy, awusy depäme çykdy, syňragymyň arasyndan gan hem göründi* (B. Kerbabaýew).

**ÇÖP**, *at.* **1**. Otlaryň we agaçlaryň guran ownuk baldagy, pudagy. *Ol ýerden bir uzyn çöp alyp, ony garynjanyň ýanyna oklapdyr* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. *gepl.d.* Ýakar ýaly odun. *Odun diýeniň çöp bolar, çöpläberseň köp bolar* (Nakyl). **3**. *göç.m.* Ot, ösümlik, ot-çöp. *Bozaganyň, syrkynyň, selme çöpleriniň ysy burnuma urýardy* (R. Gelenow). **4**. *göç.m.* Düzzim, şaşka oýnunyň maly. **5**. Otluçöpüň bir dänesi, ujy kükürtli çöpjagaz. **6**. Haýsy-da bolsa bir ýagdaýyň sebäbi, soňy (howa, tebigat hadysalary barada). *Bu yssynyň yzynyň çöpi bardyr.*

◊ **Çöp atmak** arabozarlyk etmek. *Adamlaryň arasyna çöp atmak*. **Çöp başy gymyldamazlyk 1)** ýel-guz, şemal ýokluk, petişlik, ümsümlik, asudalyk. *Howa gurşun ýaly agyrdy, çöp başy gymyldamaýardy* (B. Seýtäkow). **2)** biriniň buýrugy, emri bolmazdan hiç gymyldamazlyk, hiç bir iş edilmezlik. **Çöpçe görmezlik** hiç bir zadyň alnyndan däl diýip hasap etmeklik, sarpa goýmazlyk, äsgermezlik. **Çöp döwlen ýaly etmek** bir meseläni, işi ýa eýläk, ýa beýläk etmek, çürt kesik etmek, bir ýan ýüzli etmek, belli bir kesgitli netijä gelmek, gutarnykly çözmek. *Ol bu işi çöp döwlen ýaly etdi.* **Çöp düýbi 1)** kanuny nikasy bolmadyk aýaldan dogan çaga. **2)** sögünç aňladýan gödek söz. **Çöpe dönmek** örän horlanmak, süňk bolup galmak, hepbige dönmek, çöp ýaly bolmak. *Ýigit perwaýsyzdy gürrüňe, gepe, Saraldy, sargardy döndi bir çöpe* (A. Kekilow). **Çöpi tükenmek** ölmek. **Çöp ýaly bolmak** *ser.* **Çöpe dönmek**. *Ol çöp ýaly boldy, reňki saraldy, gözleri hanasynyň içine gitdi* (B. Seýtäkow).

**ÇÖPBAŞY**, *at.* Piläniň daşyndan sypyrylyp aýrylýan içi ownuk çöpli ýaramaz ýüpek.

**ÇÖPBOÝA** [çöpboýo], *at.* Kökünden sary reňk taýýarlamak we köküni döwüp, ýumurtganyň sarysyna garyp, agyra ýapmak üçin ulanylýan ot. *Içmeklik derilere çöpboýa çalnypdy.*

**ÇÖP-ÇALAM** [çöpçalam], *at.* Gurap galan we döwlüp ýere gaçan şaha, baldaklar, ýapraklar. *Ýabyň içindäki çöp-çalamlardan hiç zat goýman aýralyň!* (N. Pomma).

◊ **Çöp-çalama urmak** gürrüňi bulaşdyrmak, göni jogapdan gaçmak, düşüner ýaly etmezlik, patarraka urmak, belli bir uç çykarar ýaly etmezlik. *Urduň çöp-çalama, düşmän sözüme, Mynasyp görýärin ony özüme* (A. Kekilow).

**ÇÖP-ÇALAMLYK** [çöp-çalamlyk], *at.* Çöp-çalamyň köp ýeri, çöp-çalam bolup ýatan ýer.

**ÇÖP-ÇÖR** [çöp-çö:r], *at.* Ownuk-uşak çöp bilen çör gatyşan süplük.

**ÇÖPLEME** [çöplömö], **1**. *iş ady.* Çöplemek ýagdaýy. **2**. *at.* Guran ownuk şaha bölekleri, odun, onda-munda dargap ýatan odunlyk galyndylar.

**ÇÖPLEMEK** [çöplömök], *işl.* **1**. Ýeke-ýekeden ýygnamak, otlary-çöpleri toplamak. *Gazy gazdy, gowaça otady, orak ordy, hoşa çöpledi. Bu zatlar onuň üçin durmuş mekdebi boldy* ("Türkmenistan"). *Durdy aga bir çäýnegi öz öňüne çekdi-de oglanlykda jagrama ýygnanyny, ýorunja ýeriň içinden tezek çöplänini ýatlady* ("Türkmenistan"). **2**. Hasylyny ýygnamak, ýygmak. *Hanalardan her gün çärýek tonnany çöplemek üçin çakgan bolmaly* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Ýeke-ýekeden saýlap aýyrmak, saýlap almak, saýlamak, aýryp arassalamak. *Tüwiniň çeltigini çöplemek. Öýüň daş-töweregindäki hapalary çöplemek.*

**ÇÖPLENMEK** [çöplönmök], *işl.* Biri tarapyndan ýa özüň üçin çöplemek, ýygnamak. *Ol hataryň pomidory çöplenipdir.*

**ÇÖPLEŞDIRMEK** [çöplöşdürmök], *işl.* Ýeke-ýeke çöplemek, bir ýanyndan çöpläp ugramak, hemmesini çöplemek. *Öňüne dökülen çöregiň owuntyklaryny çöpleşdirdi* (A. Durdyýew).

**ÇÖPLEŞMEK** [çöplöşmök], *işl.* **1**. Çöplemäge kömekleşmek. *Çöpleme çöpleşmek. Kişmişiň çüýrügini çöpleşmek.* **2**. Çöplemekde ýaryşmak. *Men seniň bilen çöpleme çöpleşäýsem, sen galarsyň.*

**ÇÖPLETMEK** [çöplötmök], *işl.* Çöplemek işini birine etdirmek, çöplemegi buýurmak. *Ýere gaçan almalary çöpletmek.*

**ÇÖPLEÝIŞ** [çöplöýüş], *iş ady.* Çöplemek ýagdaýy.

**ÇÖPLÜK** [çöplük], *at.* Çöpi köp ýer, giden çöp bolup ýatan ýer, ot-çöpli meýdan. *Ýolagçylar gür çöplügiň içinden çykyp, ýüklerini eginlerine atmaga durdular* (B. Kerbabaýew).

**ÇÖPPULY**, *at, taryh.* XIX asyrda halka salnan salgydyň bir görnüşi.

**ÇÖPÜR** [çöpür], *at.* Geçiniň tüýi. *Geçi çöpürinden işilen inçejik ýüp goşarlarymy kertip barýar* (B. Öwezow).

**ÇÖPÜRLEK** [çöpürlök], *syp.* Ösgün we gür çöpürli, çöpüri köp bolan. *Çöpürlek geçi.*

**ÇÖR** [çö:r], *at.* Goýun, geçi, towşan ýaly ownuk mallaryň gumalagy, tezegi. *Goýun sagmaga çykaňda, Çör basan aýajyklaryňdan* (Kemine).

**ÇÖREK** [çörök], *at.* Undan hamyr edilip, aldyrylan ýa petir halynda tamdyrda bişirilýän önüm, nan.

◊ **Çöregi bitin** howpdan, bela-beterden sypan, aman galan. *Doýduk eje, gam iýme, çöregiň bitin ekeni, biz onuň janyna ýetişdik* (B. Kerbabaýew). **Çöregi tamdyra gyzanda ýap** her bir işi aýny wagtynda, ýerini bilip et, wagty gelende sypdyrma. **Çöregi ýeňsäňden iýmezlik** öz edýän hereketiňe, etjek işiňe oňat düşünmeklik. *Men çöregi ýeňsämden iýmeýärin ahyry!* (B. Seýtäkow). **Çörekden kesmek** birini gün-güzeran görýän çeşmesinden mahrum etmek, gulluk wezipesinden kowmak, işden boşatmak. **Çörek ýagysy** diňe iýmäni bilýän, emgenmän, zähmet çekmän, azap etmän iýmek-içmek isleýän (adam). *Siz bir çörek ýagysy adamlar bolmaň!*

**ÇÖREKÇI** [çörökçü], *at.* Çörek bişiriji (nanbaý) ýa-da çörek satyjy.

**ÇÖREKLI** [çöröklü], *syp.* **1**. Içine çörek salnan. *Ýaglygyň içi çöreklidi.* **2**. *göç.m.* Rysgally, barly, zada mätäç däl. *Çörekli ýer.* **3**. Oglana dakylýan at.

**ÇÖREKLILIK** [çöröklülük] **II**, *at.* Rysgallylyk, zada mätäç dällik.

**ÇÖRLÜK** [çö:rlük], *at.* Çöri köp ýer, giden çör bolup ýatan ýer.

**ÇÖRŇEŞIK** [çörňöşük], *at.* Bulaşyklyk. *Men enem-atamyň, ýeke doganymyň göwnüne degmejek bolup, çörňeşige düşdüm* (N. Pomma).

**ÇÖRŇEŞMEK** [çörňöşmök], *işl.* Bulaşmak, baş goşmak. *Ol ýöreýärdi, özüniň çölde bu wakalara çörňeşip ýörmegini ilki tebigatyň, soň gara donly Garagumuň üstüne atdy* (N. Baýramow).

**ÇÖŞ**, Eşegi saklamak üçin aýdylýan söz. *Ol: – Çöş, çöş! – diýip, eşegini saklady.*

**ÇÖWJEME** [çöwjömö], *iş ady.* Çöwjemek ýagdaýy. *Men onuň çöwjemesine düşünmän galdym.*

**ÇÖWJEMEK** [çöwjömök], *işl.* Bir zat sebäpli biriniň üstüne gygyrmak, haýbat atmak, azgyrylmak; dyzamak.

**ÇÖWJEMEKLIK** [çöwjömöklük], *iş ady.* Çöwjemek ýagdaýy.

**ÇÖWJEŞMEK** [çöwjöşmök], *işl.* Ýerli-ýerden azgarylmak, heňkirişmek; dyzaşmak.

**ÇÖWJETMEK** [çöwjötmök], *işl.* Birini üstüňe gygyrtmak, heňkirtmek. *Men seni üstüme çöwjetmerin!*

**ÇÖWJÄBERMEK** [çöwjävermek], *işl.* Biriniň üstüne çöwjäp başlamak, azgyrylyp ugramak.

**ÇÖWLÜK**, *at.* Gandym, çerkez ýaly çyga çydamly ösümliklerden ýörite tegelek görnüşinde ýasalyp, guýynyň uza boýuna içki örüminiň aşagyndan goýulýan suw syzdyryjy enjam.

**ÇÖWLÜKLEME** [çöwlüklömö], *iş ady.* Çöwlüklemek ýagdaýy.

**ÇÖWLÜKLEMEK** [çöwlüklömök], *işl.* Guýynyň örüminiň aşagyna çöwlük goýmak.

**ÇÖWLÜKLEMEKLIK** [çöwlüklömöklük], *iş ady.* Çöwlüklemek ýagdaýy.

**ÇÖWLÜKLENMEK** [çöwlüklönmök], *işl.* Biri tarapyndan çöwlük goýulmak, çöwlük edilmek.

**ÇÖWLÜKLEŞMEK** [çöwlüklöşmök], *işl.* Çöwlük goýuşmak, çöwlük goýmaga kömekleşmek.

**ÇÖWLÜKLETMEK** [çöwlüklötmök], *işl.* Çöwlük goýdurmak, çöwlük etdirmek.

**ÇÖWLÜKLEÝIŞ** [çöwlüklöýüş], *iş ady.* Çöwlüklemek ýagdaýy.

**ÇÖWLÜKLIK** [çöwlüklük], *syp.* Çöwlük etmek üçin taýýarlanan, çöwlük etmäge ýaraýan (agaç).

**ÇÖWLÜM** [çöwlüm], *at.* Ýapdan ýa jardan akýan suwuň çuň ýeri. *Ol çöwlüme suwa düşdi.*

**ÇÖWMEK** [çöwmök], *işl.* Aýak bilen gaty depmek. *Içine-de çöwüp, bäş-alty gaýra depdi* ("Görogly").

**ÇÖWRE** [çöwrö], *syp.* Geýimiň we ş.m. iç ýüzi tersine öwrülen görnüşi, düzüw ýüzüniň tersi, çöwrülen tarapy. *Tomus günleri halylary çöwre ýazsaňyz, ähli tozany aşagyna döküler.*

**ÇÖWRELIK** [çöwrölük], *at.* Iç, düzüw ýüzi tersine öwrülen ýagdaýda bolmaklyk. *Çöwreligine düýrlenen halyçanyň bir ýerinden ýapyşdy* (H. Derýaýew).

**ÇÖWRÜBERMEK** [çöwrüvermek], *işl.* Bir zady tersine çöwrüp başlamak, bir zadyň agzyny yzyna eplemek, gaýtarmak, çöwürmegi dowam etdirmek, çermemek.

**ÇÖWRÜLIŞMEK** [çöwrülüşmök], *işl.* Birneme çöwrülmek.

**ÇÖWRÜLME** [çöwrülmö] *iş ady.* Çöwrülmek ýagdaýy.

**ÇÖWRÜLMEK** [çöwrülmök], *işl.* Bir zadyň agzy öwrülmek, agzy tersine dolanmak, çermelmek; üsti astyna düşmek. *Agzy çöwrülen çuwallar galladan dolup başlady.*

**ÇÖWRÜŞ** [çöwrüş], *iş ady.* Çöwürmek ýagdaýy.

**ÇÖWRÜŞDIRMEK** [çöwrüşdürmök], *işl.* Hemmesini, ählisini çöwrüp çykmak. *Samanly ganarlaryň agzyny çöwrüşdirip goýmak.*

**ÇÖWRÜŞMEK** [çöwrüşmök], *işl.* Çöwürmäge kömekleşmek. *Ganaryň agzyny çöwrüşmek.*

**ÇÖWŞI** [çöwşü], *at.* Gara öýi ýel ýykmazlyk üçin öýüň depesinden üstaşyr atanaklaýyn geçirilip, iki ýan ýüzünde gazyga daňylýan ýüp. *Öýe tizräk barmaly, gara öýe çöwşi eltmeli, çagaryga direg urmaly, çuwaly gumdan dolduryp, tüýnük ýüpünden agramlyk asyp goýmaly* (A. Gowşudow). *Gazyk dikip çöwşi edip, Gelen ýelden saklardyk* (A. Kekilow).

**ÇÖWŞIGAZYK** [çöwşüğazyk], *at.* Çöwşi daňylýan gazyk.

**ÇÖWŞÜLEME** [çöwşülömö], *iş ady.* Çöwşülemek ýagdaýy.

**ÇÖWŞÜLEMEK** [çöwşülömök], *işl.* Gara öýe çöwşi etmek.

**ÇÖWŞÜLENMEK** [çöwşülönmök], *işl.* Biri tarapyndan çöwşi edilmek. *Öý çöwşülendi.*

**ÇÖWŞÜLEŞMEK** [çöwşülöşmök] , *işl.* Öýe çöwşi etmäge kömekleşmek. *Öýi çöwşüleşmek.*

**ÇÖWŞÜLETMEK** [çöwşülötmök] , *işl.* Öýe çöwşi etdirmek, ýele garşy durar ýaly etdirmek. *Ýelden gorkup, öýi çöwşületmek.*

**ÇÖWŞÜLEÝIŞ** [çöwşülöýüş], *iş ady.* Çöwşülemek ýagdaýy.

**ÇÖWÜRME** [çöwşürmö], **1**. *iş ady.* Çöwürmek ýagdaýy, işi. **2**. *at.* Tüýli ýüzi içine öwrülip, gyrasyna bagana tutulyp, goýun derisinden tikilýän telpek, ýatyş telpegi. *Ol çöwürmesini ýassygyň aşagyna goýdy.*

**ÇÖWÜRMEK** [çöwürmök], *işl.* **1**. Iç, düzüw ýüzüni daşyna öwürmek. *Donumy çöwrüp, ak içligini daşyna etdim* (A. Gowşudow). **2**. Agzyny yzyna serpmek, agyz gyralaryny daşyna tarap eplemek, çermemek. *Haltanyň agzyny çöwürmek.* **3**. Aşagyny ýokary öwürmek, ters ýüzüne agdarmak, düňdermek. *Men biziň tehnikamyzyň ýeriň astyny üstüne çöwrüp biljegine-de ynanýaryn* (B. Kerbabaýew).

◊ **Dodagyny çöwürmek** birine göwnüýetmezçilik etmek.

**ÇÖWÜRMEKLIK** [çöwürmöklük], *iş ady.* Çöwürmek ýagdaýy.

**ÇÖWÜRTMEK** [çöwürtmök], *işl.* Çöwürmek işini başga birine etdirmek, ters ýüzüne öwürtmek. *Donuňy çöwürtmek. Ganaryň agzyny çöwürtmek.*

**ÇÖZDÜRMEK** [çözzürmök], *işl.* Çözmek işini birine etdirmek; çözmäge mejbur etmek. *Soňra öňki ýüpleri çözdürip aýyrdy* (B. Seýtäkow).

**ÇÖZGÜT** [çözğüt], *at.* Bir mesele barada belli bir netije, gelnen karar. *Geçiş döwründe aňymyzy zäherlemän, her bir meselä oýlanyşykly we döredijilikli çemeleşip, oňyn, ýagny iki tarapa-da bähbitli çözgüt tapmaly* ("Türkmenistan").

**ÇÖZI** [çözü], *at.* Içege çözlenende galýan ýaglyja barda. *Ol çözini içegeden çözläp aldy.*

**ÇÖZLEMEK** [çözlömök], *işl.* **1**. Kültemini, örümini açmak, çöşlemek. *Soň öýermedi diýip närazy bolmasa bolýar - diýip, kakasy-da aýaklaryny oraşdyran ýüplerini çözleşdirdi* (A. Durdyýew). **2**. Goýun-geçi ýaly malyň içegesini çözüden syryp, çekip aýyrmak.

**ÇÖZLEMEKLIK** [çözlömöklük], *iş ady.* Çözlemek ýagdaýy.

**ÇÖZLENILMEK** [çözlönülmök], *işl.* Biri tarapyndan çözlemek işi edilmek.

**ÇÖZLENMEK** [çözlönmök], *işl.* Çözlemek, kültemi açmak işi ýerine ýetirilmek; çözläp bolunmak. *Içege çözlendi.*

**ÇÖZLEŞDIRMEK** [çözlöşdürmök], *işl.* Hemmesiniň kültemini açmak, çözläp çykmak, ählisini

yzly-yzyna çözlemek. *Gazyklara dańlan ýüpleri çözleşdirip, hemmesini külterletdi.*

**ÇÖZLEŞMEK** [çözlöşmök], *işl.* Çözlemäge kömekleşmek.

**ÇÖZLETMEK** [çözlötmök], *işl.* Birine çözlemek işini etdirmek.

**ÇÖZLEÝIŞ** [çözlöýüş], *iş ady.* Çözlemek ýagdaýy.

**ÇÖZLÄBERMEK** [çözlä:vermek], *işl.* Çözlemek işine girişmek, çözläp başlamak, çözlemek işini dowam etdirmek.

**ÇÖZMEK** [çözmök], *işl.* **1**. Dańlan ýüpi, düwni we ş.m. zady açmak; baglanan zady sökmek. *Düýäniň duşagyny çözmek.* **2**. *mat.* Dogry jogap tapmak, meseläniň jogabyny kesgitlemek, netijesini bilmek. *Ol mesele çözýärdi.* **3**. Orta atylan mesele boýunça belli karara gelmek, netijä gelmek. *Öňde goýlan wezipeleri çözmek.*

**ÇÖZMEKLIK** [çözmöklük], *iş ady.* Çözmek ýagdaýy. *Meseläni çözmekligiň hötdesinden geldik.*

**ÇÖZÜJI** [çözüjü]**: çözüji ses** gurultaýda, mejlislerde we ş.m. ses bermek hukugy, mesele barada hasaba alynýan ses.

**ÇÖZÜLEŇKIRLEMEK** [çözülöňkürlömök], *işl.* Birneme çözülmek, az-kem çözülmek, çözülip başlamak. *Saçynyň çözüleňkirläp duran ujy.*

**ÇÖZÜLMEK** [çözülmök], *işl.* **1.** Çözmek işi edilmek; düwni, bogusy aýrylmak; netijä gelinmek. *Çölde suw meselesi çözülipdi* (Ş. Borjakow). **2.** Doňup durmasy aýrylmak, doňy eräp ugramak. *Ýeriň doňy çözüldi.*

**ÇÖZÜŞDIRMEK** [çözüşdürmök], *işl.* Ählisini çözüp çykmak, yzly-yzyna çözmek. *Meseleleri çözüşdirmek.*

**ÇÖZÜŞMEK** [çözüşmök], *işl.* Çözmäge kömekleşmek; bilelikde çözmek. *Odun dańlan ýüpi çözüşmek. Mesele çözüşmek. Dawany çözüşmäge kömek etmek.*

**ÇUGDAM** [çuğdom], *at, ser.* **Çogdam**.

**ÇUGDAMLAMAK** [çuğdomlomok], *at, ser.* **Çogdamlamak**.

**ÇUGDUM** [çuğdum], *at, ser.* **Çogdam**. *Hemme söýgülileriň bir jemleşen çugdumy ýaly duýuldy (B. Kerbabaýew).*

**ÇUGDUMLAMAK** [çuğdumlomok], *at, ser.* **Çogdamlamak**.

**ÇUGLAMAK** [çuğlomok], *işl.* Belli bir karara gelmek, jemlemek, çugdamlamak. *Maslahaty bir ýere çuglalyň.*

**ÇUGLANMAK** [çuğlonmok], *işl.* Karara gelinmek, belli netijä gelinmek. *Şondan soň maslahat çuglandy*.

**ÇUGUTDYRMAK** [çuğutdurmok], *işl.* **1**. *ser.* **Çugutmak**. *Daş işikde biri çugutdyryp otyr*. **2**. Özünden beýik, belent zadyň ýanynda ýapyrylyp oturmak (jaý hakynda). *Ýaşuly bizi gapysynda çugutdyryp oturan, işigi ilerik, garaja öýüne eltdi* ("Türkmenistan").

**ÇUGUTMAK** [çuğutmok], *işl.* Üşäp ýa-da başga bir sebäbe görä pugta ýygrylmak, ýygrylyp oturmak, çommalyp çugutdyrmak. *Ojagyň başynda töňňe ýaly bolup çugudyp otyrdy* (B. Seýtäkow).

**ÇUKANAK** [çukonok], *at.* **1**. Oý, çukur-sukur (ýol, ýer we ş.m. hakynda). *Çukanak ýerleri tekizlemek ýaly işler amala aşyrylýar.* **2**. *göç.m.* Içine gidip duran (göz hakynda). *Kütelişen çukanak gözleri ýadawlyk bilen agyp-dönýärdi* (G. Kulyýew).

**ÇUKANAKLYK** [çukonokluk], *at.* Çukanak ýer, çukanak-çukanak bolup ýatan ýer, gazganak ýer.

**ÇUKANAK-SAKANAK** [çukonok-sakanak], *syp.* Beýikli-pesli, çukur-çukur bolup ýatan düz däl ýer.

**ÇUKRY** [çukury], *at.* Boýy 40-100 *sm* ýetýän köpýyllyk, otjumak, ýabany derman ösümlik.

**ÇUKUR**, *at.* Gazylan ýa-da oýulan ýer. *Çukur gazylmaly ýerleri belläninde, jaýyň binýadyna golaý belläpdir* ("Güneş").

◊ **Çukuryň gyrasynda durmak** howply, agyr ýagdaý abanmak, ölümiň öňüsyrasynda bolmak. **Çukuryň gyrasyndan gaýtmak** agyr kesel ýa-da başga bir howply ýagdaýdan gutulmak, ölüm halynda ýatyp galmak.

**ÇUKURALMAK** [çukurolmok], *işl., gepl.d.* **1**. Öňküsinden birneme çuň bolmak, çukur bolmak, çuňalmak. **2**. Içine giden ýaly bolup görünmek, sokuralmak (göz hakynda).

**ÇUKURLYK** [çukurluk], *at.* Çukury köp bolan ýer, çukur-çukur bolup ýatan ýer. *Ýabyň gyrasy çukurlykdy.*

**ÇULBA** [çulvo], *at.***1**. Dagyň, depäniň beýik ýeri. **2**. Beýik depe.

**ÇULUK I**, *at.* Köplenç, suwda ýaşaýan gyzyl çüňkli, gursagy, petekesi ak, galan ýeri garamtyl guş.

**ÇULUK II**, *at.* Gök ýa-da çal reňkli ot.

**ÇULUM**, *syp.* Tabşyrylan işi ýerine ýetirmäge ilgezik, taýýar. *Söýgi hakynda ýazylan şygyrlaryň köpüsinde owadan gyz ähli zada, her bir işe çulum edilip görkezilýär* ("Edebiýat we sungat").

**ÇULUMLYK** [çulumluk], *at.* Çulum bolmaklyk, tabşyrylan zady etmäge ilgezik, taýýar bolmaklyk.

**ÇUŇ**, *syp.* Örän çukur, çuňňur, ýalpak däl; uzak. *Maşyn ýene-de çuň oýa indi* ("Edebiýat we sungat"). *Üzümiň düýpleri çuň gazyldy*. *Ol çuň pikire batdy.*

**ÇUŇALMA** [çuňolmo], *iş ady.* Çuňalmak ýagdaýy.

**ÇUŇALMAK** [çuňolmok], *işl.* Çuň bolup ugramak, çuň ýagdaýa gelmek, çukur bolmak, çuňlugy öňküsinden artmak. *Ýap çuňalypdyr*.

**ÇUŇALMAKLYK** [çuňolmokluk], *iş ady.* Çuňalmak ýagdaýy.

**ÇUŇALTDYRMAK** [çuňoltdurmok], *işl.* Çuňaltmak işini birine etdirmek; derejesi çuňaltmaga mümkinçilik bermek, ýol bermek.

**ÇUŇALTMAK** [çuňoltmok], *işl.* Çuň etmek, çuňlugyny artdyrmak. *Ýaby çuňaltmak.*

**ÇUŇALYŞ**, *iş ady.* Çuňalmak ýagdaýy.

**ÇUŇLAŞDYRMAK** [çuňlaşdurmok], *işl.* **1**. Gitdigiçe, barha çuňaltmak. **2**. Giň gerime eýe boldurmak, giň gerim aldyrmak; baýlaşdyrmak. *Hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak*

**ÇUŇLAŞMA** [çuňloşmo], *iş ady.* Çuňlaşmak ýagdaýy.

**ÇUŇLAŞMAK** [çuňloşmok], *işl.* **1**. Gitdigiçe çuňalmak, kem-kemden çuň bolmak; çuňalyp başlamak. *Maňlaýynyň ýygyrtlary çuňlaşypdyr* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *göç.m.* Giň gerime eýe bolmak, baýlaşmak, ösmek. *Döwletara gatnaşyklar çuňlaşýar.*

**ÇUŇLAŞMAKLYK** [çuňloşmokluk], *iş ady.* Çuňlaşmak ýagdaýy.

**ÇUŇLAŞYŞ** [çuňloşuş], *iş ady.* Çuňlaşmak ýagdaýy.

**ÇUŇLUK**, *at.* **1**. Üstünden düýbüne çenli ýa-da düýbe tarap belli bir ýerine çenli çuň ýer. *Howzuň çuňlugy bäş ýüz metr. Biz geologlaryň kesgitlän çuňlugyna çenli gazýarys (Ş. Borjakow).* **2**. *göç.m.* Düýpli, ýüzleý däl ýagdaýdalyk. *Meseläniň çuňlugy şondan ybarat.*

**ÇUŇŇUL**, *at, ser.* **Çuňňur**. *Murgap derýasy bahar aýlary joşanda, şol çuňňuly doldurup, ondan hem aňryk geçip gidýärdi.*

**ÇUŇŇULDYK** [çuňňulluýk], *at.* Suwly ýabyň suwa düşülýän çuň ýeri, ýabyň kenary giňeldilip, çuň we aýlaw edilen ýer. *Oglanlar öz çuňňuldyklaryna az begenmeýärdiler* (A. Gurbanow).

**ÇUŇŇUR**, *syp.* **1**. Çuň gazylan. *Çuňňur guýa daş atsaň, Batar gider, eje jan* (Läle). **2**. *göç.m.* Uly, kän tükeniksiz. *Çuňňur minnetdarlyk bildirmek.*

**ÇUŇŇURLYK** [çuňňurluk], *at, ser.* **Çuňluk**.

**ÇUS**, *syp.* **1**. Gaty we çalt ýöreýän (mal hakynda). **2**. *göç.m.* Çalasyn, ýeňil gopýan.

**ÇUSLANMA** [çuslonmo], *iş ady.* Çuslanmak ýagdaýy.

**ÇUSLANMAK** [çuslonmok], *işl.* Çaltlanmak, janlanmak, tijenmek, hereketi güýjemek; tizleşmek. *Ýagşy çuslandy-da, çokaýly aýagyny üzeňňä eltip atlandy* (A. Gowşudow).

**ÇUSLANMAKLYK** [çuslonmokluk], *iş ady.* Çuslanmak ýagdaýy.

**ÇUSLANYŞ** [çuslonuş], *iş ady.* Çuslanmak ýagdaýy.

**ÇUSLUK**, *at.* **1**. Çalt, gaty ýörgürlik ýagdaýy (mal hakynda). **2**. *göç.m.* Çalt hereket edijilik, çalasynlyk, ýeňil gopujylyk; tizlik. *Onuň öňki ýadawlygynyň ornuna çusluk ornaşdy.*

**ÇUW**, kömekçi söz. Sypatlaryň, köplenç, "ak" sözüniň öňünden gelip, "örän", "gaty", "dym" ýaly many aňladýan güýçlendiriji bölek. *Ol barmaklary bilen çuw ak sakgalyny sypalaşdyrdy*.

**ÇUWAL** [çuwol], *at.* **1**. Un, bugdaý, arpa we ş.m. guýmak üçin ulanylýan, elde dokalyp tikilen gap. **2**. Şeýle gaba sygýan galla önümleriniň mukdaryny aňladýan ölçeg birligi. *Biri-birine degşip ýatan gujak boýy garrygyz gawunlardyr haltanyň agzyna sygmaýan garpyzlar, öýün-öýün ýygnalan çuwal-çuwal künjüdir tamdyr ýaly edilip örülen kaklar ýaş oglany haýran galdyrypdy* ("Türkmenistan"). **3**. Ownuk-uşak öý goşlaryny, geýim-gejim salar ýaly tärimden asylýan, çitilip ýa-da kakylyp dokalýan inli gap, öý goşy. *Kitap bukjasynyň içinde, çuwalyň düýbünden çykman, ýene-de üç ýyl ýatdy* (N. Saryhanow). *Tärimden asylgy çuwaly ol gelinkä dokapdy*.

**ÇUWALÇA** [çuwolço], *at.* Kiçiräk çuwal.

**ÇUWALGYZ** [çuwolğy:z], *at.* Atasy öýüne ilkinji gezek gaýtarylyp getirilen gelin, gaýtarma. *Olaryň arasynda bir çuwalgyz bardy, şol Ogulgözele arka çykdy* (B. Kerbabaýew).

**ÇUWALGYZLYK** [çuwolğy:zlyk], *at.* Çuwal gyzyň ýagdaýy. *Ol adamsy urşa gidip, çuwalgyzlygyna dul galypdy.*

**ÇUWAŞ** [çuwa:ş], *at, ser.* **Çuwaşlar**. *Çuwaş dili.*

**ÇUWAŞLAR** [çuwa:şlar], *at.* Çuwaşystanyň esasy ilaty.

**ÇÜF: çüf urmak** *ser.* **Çüflemek**.

**ÇÜFLEME** [çüflömö], *iş ady.* Çüflemek ýagdaýy.

**ÇÜFLEMEK** [çüflömök], *işl.* **1**. Birini keselden açmak we ş.m. üçin doga okamak, duza dem salmak. **2**. Bir zatdan duýdansyz gorkanyňda ýüregiňi rahatlandyrmak üçin ýakaňa birnäçe gezek tüf edip tüýkürmek. *Ýakasyny açdy-da, içine üç gezek çüfledi* (B. Seýtäkow). **3**. *göç.m.* Bir işe başlajak bolanda aýaňa tüf-tüf edip tüýkürmek, aýaňy tüýküligiň bilen öllemek. *Ol eline çüflejek bolanda, Myradyň takady ýetmän, haýdan-haý pili alyp, hini gazmaga durdy* (N. Esenmyradow).

**ÇÜFLEMEKLIK** [çüflömöklük], *iş ady.* Çüflemek ýagdaýy.

**ÇÜFLEŞMEK** [çüflöşmök], *işl.* Birnäçe bolup çüflemek.

**ÇÜFLETMEK** [çüflötmök], *işl.* Birine çüflemegi buýurmak, doga okadyp çüf diýdirmek.

**ÇÜL-ÇAGA** [çül-ça:ğa], *at.* Oglan-uşak, çaga-çuga, diňe ýaş, çülpe çagalar. *Obada bolsa çül-çaga galdy* (H. Derýaýew).

**ÇÜLPE** [çülpö], *syp.* **1**. Kiçijik, ýaşajyk. *Ylgap çykan çülpe çagalar öz terbiýeçileriniň daşyna egrildiler*. *Şeýdip, üç sany çülpeje çaganyň garamaty*

*Ogulnabadyň başyna galyberýär* ("Türkmenistan"). **2**. Käkilik, turaç, sülgün ýaly guşlaryň jüýjesi.

**ÇÜMDÜRGIÇ** [çümdürğüç], *at.* Çeňňegi, tory suwa batyrmak üçin dakylýan agyrlyk. *Ol balyk tutulýan tor üçin çümdürgiç ýasanjak bolýardy* ("Edebiýat we sungat").

**ÇÜMDÜRILMEK** [çümdürülmök], *işl.* Bir zadyň içine girizilmek, içine sokulmak; sünjülmek, bir zat batyrylmak.

**ÇÜMDÜRIŞ** [çümdürüş], *iş ady.* Çümdürmek ýagdaýy.

**ÇÜMDÜRME** [çümdürmö], *iş ady.* Çümdürmek ýagdaýy.

**ÇÜMDÜRMEK** [çümdürmök], *işl.* Bir zadyň içine girizmek, içine sokmak; sünçmek; bir zady batyrmak. *Ony egin-eşigi bilen suwa çümdüripdirler. Temen çümdürmek.*

**ÇÜMDÜRMEKLIK** [çümdürmöklük], *iş ady.* Çümdürmek ýagdaýy.

**ÇÜMDÜRTMEK** [çümdürtmök], *işl.* Çümdürmek hereketini başga birine etdirmek; içine sokdurmak.

**ÇÜMHÖREK** [çümhörök], *syp.* Nahary az iýýän, nahar dandaýan, dokmäde, horan däl. *Köse gaty çümhörek eken* (Ç. Aşyr).

**ÇÜMHÖREKLIK** [çümhöröklük], *at.* Çümhörege has bolan gylyk-häsiýet, iýmek-içmegi dandawçylyk. *Onuň çümhörekligi öý eýesine ýaramady*.

**ÇÜMMEK** [çümmök], *işl.* **1**. Dürtülip geçmek, tene sanjylmak, endama batmak. *Kiçeňräk gyýçagam elimiň süňküne çümüp, tenimde galan ekeni* (A. Nazarow). **2**. Suwuklygyň (suwuň we ş.m.) düýbüne, aşaklygyna gitmek. *Gury çägäniň berkligi pes, eger üstünden ýöreseň, aýagyň topugyňa çenli çümýär* ("Türkmenistan").

**ÇÜMMÜK**, *at.* **1**. Başam we süýem barmaklaryň ujy bilen tutulyp edilýän hereketiň ady. *Gynnagyň ýumrugyna, çümmügine çydap bilmän, sülgüniň jüýjesi ýaly, başga bir oba çykyp gitdi* (N. Pomma). **2**. Üç barmak bilen tutulyp alynýan ownuk, külke zat we onuň mukdary, ölçegi, dyndym. *Hiç kime minnetsiz, çaýymy demlägede, pişigiň kellesi ýaly gowurdagy hem käsäme oklap, bir çümmügem duz sepýän-de, bir döwüm çörek bilen garna gapgarýan welin, döw dursun onsoň agaň öňünde* ("Türkmenistan").

**ÇÜMMÜKLEME** [çümmüklömö], *iş ady.* Çümmüklemek ýagdaýy.

**ÇÜMMÜKLEMEK** [çümmüklömök], *işl.* Çümmük bilen adamyň bir ýerinden tutup gapjamak, burup awundyrmak. *Ýuwaş! Bolmasa çümmüklärin* (B. Kerbabaýew).

**ÇÜMMÜKLEMEKLIK** [çümmüklömöklük], *iş ady.* Çümmüklemek ýagdaýy.

**ÇÜMMÜKLEŞMEK** [çümmüklöşmök], *işl.* Biri-biriňi çümmüklemek.

**ÇÜMMÜKLETDIRMEK** [çümmüklötdürmök], *işl.* Birine çümmükletmek.

**ÇÜMMÜKLETMEK** [çümmüklötmök], *işl.* **1**. Çümmüklemegine ýol bermek. – *Näme, ýumruk ýaly oglana özüňi çümmükledýäň, oňa dek diýip bolanokmy?* **2**. Başga birini çümmüklemeklige mejbur etmek. *Çagalar "Dym-dyrs" oýnuny oýnanlarynda: – Dym-dyrs. Asmana kiriş. Gülene, gürläne on ýumruk, on çümmük – diýýärler. Birden biri pyňkyraýsa, çümmükläsiň gelmese-de, beýlekilere ýeke-ýekeden ony çümmükledýärler.*

**ÇÜMMÜKLEÝIŞ** [çümmüklöýüş], *iş ady.* Çümmüklemek ýagdaýy.

**ÇÜMRE** [çümrö]**: çümre geýmek** aşak basyp geýmek, çümrüp geýmek (telpek, papak hakynda). *Ol goňur telpegini gözüne çenli çümre geýipdir* (N. Pomma).

**ÇÜMRÜLMEK** [çümrülmök], *işl.* Aşak basylan ýagdaýda bolmak, çümre halda bolmak.

**ÇÜMRÜNMEK** [çümrünmök], *işl.* Öz telpegiňi, papagyňy we ş.m. çümre geýmek, çümrüp geýmek. *Ol telpegini çümrünip geýdi*.

**ÇÜMŞÜLDEME** [çümşüllömö], *iş ady.* Çümşüldemek ýagdaýy.

**ÇÜMŞÜLDEMEK** [çümşüllömök], *işl.* Endamyň çümüş-çümüş etmek, endamyňy tikenekledijі duýgy döremek. *Artyga gözi düşende, endamy çümşüldäp, bir hili utançly ýaly ýüzüni aşak saldy* (B. Kerbabaýew).

**ÇÜMŞÜLDEMEKLIK** [çümşüllömöklük], *işl.* Çümşüldemek ýagdaýy.

**ÇÜMŞÜLDEŞMEK** [çümşüllöşmök], *işl.* Yzly-yzyna çümşüldemek. *Myrat aga oba ýakynlaşdygyça, ýüregi urup, inleri çümşüldeşýär* (H. Derýaýew).

**ÇÜMŞÜLDETMEK** [çümşüllötmök], *işl.* Çümşüldi döretmek. *Demirtiken geýen ýaly, endam-janymy çümşüldetdi* (K. Gurbannepesow).

**ÇÜMŞÜLDI** [çümşüllü], *at.* Endamyňda garynja ýöreýän ýaly gymyldy, tikenekleme, endamyňy tikeneklediji duýgy. *Aýaz ýüzüne ýalyn ýaly çabrap, endamyna çümşüldi ýöretdi*.

**ÇÜMÜRME** [çümürmö], *iş ady.* Çümürmek ýagdaýy.

**ÇÜMÜRMEK** [çümürmök], *işl.* Aşak basyp geýmek, çümre geýmek (telpek, papak hakynda). *Telpegimizi gözümize çenli çümrüp geýdik.*

**ÇÜMÜRTMEK** [çümürtmök], *işl.* Aşak basdyrmak, çümre geýdirmek.

**ÇÜMÜŞ-ÇÜMÜŞ** [çümüş-şümüş]**: çümüş-çümüş etmek** wagtal-wagtal çümşüldemek, endamyň gijeýän ýaly duýulmak. *Endamy garynja ýörän ýaly çümüş-çümüş etdi.*

**ÇÜMÜŞMEK** [çümüşmök], *işl.* **1**. Ýerli-ýerden birnäçe bolup çümmek. *Ördekler suwa çümüşýärdiler*. **2**. Suwa çümmekde ýaryşmak, çümüp bäsleşmek.

**ÇÜNKI [çünkü]** "Sebäbi, şoňa görä" we ş.m. manyda ulanylýan baglaýjy kömekçi söz. *Doludy garaýşy gahar-gazapdan, Çünki gorky bardy boljak jogapdan* (A. Kekilow).

**ÇÜŇK I**, *at.* Iýmit we başga gerek bolan zatlary çokup almak üçin guşlaryň agzynyň buýnuz görnüşli süýnmejik ujy, çokja. *Serçe ýene-de çüňki ýelekli gitdi* (A. Orazmyradow).

**ÇÜŇK II**, *at.* **1**. Jaýyň, haýatyň we ş.m. zadyň iki diwarynyň birleşýän burçy. **2**. Jaýyň, haýatyň iki diwarynyň birleşýän burçunyň töweregindäki ýer, öwrüm. *Dursun özüni ýere oklap, dazyrdap çüňkden öwrüldi* (H. Ysmaýylow). **3**. *gepl.d.* Ýasy bir zadyň dört gyrasynyň ujy, gapdalynyň gutarýan we öwrülýän ýeri. *Ol matanyň bir çüňkünden tutup saklap durdy.*

**ÇÜŇKLEK** [çüňklök], *syp.* Uly çüňkli, çüňki uly. *Çüňklek ýyrtyjy guş.*

**ÇÜPE** [çüpö], *syp., gepl.d.* Boýy, gabarasy kiçi, ownuk; gytyk.

**ÇÜPEMEK** [çüpömök], *işl., gepl.d.* Boýy, gabarasy kiçelmek, ownamak; gytyk katda gelmek.

**ÇÜPREK** [çüpürök], *at.* **1**. Gysga, gyryk, uçsuz; letde (ýüň barada). *Ýorgana salmak üçin ýygnap ýören ýarym halta çüprek ýüňüni tüýdüp çykdy* (A. Durdyýew). **2**. Ýaramaz, köne-küşül, jinde. *Emelsiziň dili awy, çüprek geýimiň biti awy* (Nakyl).

**ÇÜPREME** [çüpürömö], *iş ady.* Çüpremek ýagdaýy.

**ÇÜPREMEK** [çüpürömök], *işl.* **1**. Kiçi bolmak, kiçelmek, saýylary gutaryp ownamak (janly-jandar, mal hakynda). **2**. Gowusy gutaryp, ýaramazy galmak, hili peselmek. *Iki-üç aýdan soň pagta çüpräp başlady.*

**ÇÜPREŞMEK** [çüpüröşmök], *işl.* Köp mukdarda çüpremek, hili peselişmek, dura-bara ýaramazlaşmak.

**ÇÜR: çür başy (depesi)** bir zadyň iň ýokarsy, beýik ýeri, süýr depesi. *Daglaryň çür başynda gyşdan saklanyp galan çuw ak garlar görünýär.*

**ÇÜRÇÜRI** [çürçürü], *at.* Gumda ýaşaýan gara-ala ýelekli kiçijik guş.

**ÇÜRELIŞMEK** [çürölüşmök], *işl.* Kem-kemden çürelip başlamak, dura-bara çüri bolmak.

**ÇÜRELMEK** [çürölmök], *işl.* Ýokarsy, depesi çowlanmak, çüri bolmak; inçelmek. *Ortarada başy çürelip giden garaja öý egnini gysyp otyr* (N. Saryhanow).

**ÇÜRELTMEK** [çüröltmök], *işl.* Ýokarsyny çowly etmek, çüri etmek, kem-kemden gysyp inçeltmek. *Çatmanyň başyny çüreltmek.*

**ÇÜRI** [çürü], *syp.* **1**. Ýokarsy çowly, depesi inçelip gidýän, çürrük. *Depesi çüri, gadymy biçüwde tikilen telpegini geýerdi* (A. Gowşudow). **2**. Oglana dakylýan at.

**ÇÜRKEMEK** [çürkömök], *işl.* **1**. Birine maddy taýdan zyýan ýetirmek, ütmek, aldap zadyny almak, ulturatmak. *Adamlary çürkemek*. **2**. Biriniň bedeniniň bir ýerini gyzgyn zada ýakmak, çirkizmek.

**ÇÜRKENMEK** [çürkönmök], *işl.* Kösenmek, ulturamak; zyýan çekmek. – *Haý, bolmandyr-ow. Neresse çürkenäýipdir* (A. Nazarow).

**ÇÜRKETDIRMEK** [çürkötdürmök], *işl.* Birine özüňi aldatdyryp, hakyňy gidermek, puluňy iýdirmek.

**ÇÜRKETMEK** [çürkötmök], *işl.* Özüňi ütdürmek, aldadyp zyýan çekdirmek.

**ÇÜRRIK** [çürrüýk]**: çürrik başy** öýüni bolar-bolgusyz adamlar üçin mesgen eden (adam hakynda). *Onuň öýi çürrik başa öwrülipdir, gybat edişesiň gelse barybermeli.*

**ÇÜRRIKDEPDI** [çürrüýkdepdi], *at.* Daşy çyzylyp üýşürilen tümmek gumy döwçülere depdirmän, eşekçi tarapyndan goralyp oýnalýan çaga oýny.

**ÇÜRRÜK**, *syp., ser.* **Çüri**. *Başy çürrik telpekli bir pyýada derwezeden ýorgalap girdi* (N. Saryhanow).

**ÇÜRŞERIŞ** [çürşörüş], *iş ady.* Çürşermek ýagdaýy.

**ÇÜRŞERME** [çürşörmö], *iş ady.* Çürşermek ýagdaýy.

**ÇÜRŞERMEK** [çürşörmök], *işl.* Ýüzüňi turşatmak, çytmak, närazy görnüşde bolmak, kürşermek.

**ÇÜRŞERTMEK** [çürşörtmök], *işl.* Ýüzüňi çytmak, çürşen hala getirmek.

**ÇÜRŞÜGRÄK** [çürşüğrä:k], *syp.* Azda-kände çürşük.

**ÇÜRŞÜK**, *at.* Gyzgyn sebäpli gyzyp ýygyrt-ýygyrt bolan, çürşen, bürşen, gasyn-gasyn.

**ÇÜRŞÜKLIK** [çürşüklük], *at.* Gyzgyn täsir sebäpli gaty gyzyp, ýygyrt-ýygyrt bolmaklyk, ýygrylan halda bolmaklyk.

**ÇÜRTDÜRMEK** [çürtdürmök], *işl.* Gowaçanyň we ş.m. ujuny çyrpdyrmak, ujuny ýoldurmak.

**ÇÜRT-KESIGRÄK** [çürt-kesiğrä:k], *syp.* Belli derejede çürt-kesik. *Meseläni çürt-kesigräk goýmak gerek.*

**ÇÜRT-KESIK**, *hal.* Gutarnykly, aýdyň, açyk, çürt-ýoluk, aýgytly (aýdylýan söz hakda ).

**ÇÜRT-KESIKLIK**, *at.* Çürt-kesik ýagdaýda bolmaklyk.

**ÇÜRTME** [çürtmö], *iş ady.* Çürtmek ýagdaýy.

**ÇÜRTMEK** [çürtmök], *işl.* Ujuny ýolmak, ujundan ýolup almak, öserini kesmek. *O janawerler bu wagt ot iýenok-da, diňe gül çürtýärler* ("Edebiýat we sungat").

**ÇÜRTMEKLIK** [çürtmöklük], *iş ady.* Çürtmek ýagdaýy.

**ÇÜRTMEZLIK** [çürtmözlük], *işl.* Çürtmek işini etmezlik.

**ÇÜRTÜBERMEK** [çürtmüvermek], *işl.* Çürtüp başlamak.

**ÇÜRTÜLMEK** [çürtülmök], *işl.* Biri tarapyndan bir zadyň ujuny çürtmek işi geçirilmek, ýolunmak.

**ÇÜRTÜM**, *at.* Ujundan çürtüp almak ýagdaýy.

**ÇÜRTÜŞ**, *iş ady.* Çürtmek ýagdaýy.

**ÇÜRTÜŞMEK** [çürtüşmök], *işl.* **1**. Çürtmäge kömek etmek. **2**. Birnäçe bolup çürtmek, çürtüp ýörmek. *Derýaň gülün çürtüşip, Ýaýnardylar bu ýerde* (M. Myşşyýew).

**ÇÜRT-ÝOLUK**, *hal, ser.* **Çürt-kesik**. *Hangulynyň gaýyn atasy çürt-ýoluk jogap berdi* (N. Saryhanow).

**ÇÜRÜŞDIRMEK [**çürüşdürmök**]**, *işl.* Hamdan edilen zady gyzgyn zada ýakyn goýup bürüşdirmek, ýygyrt-ýygyrt etmek. *Çarygy oda çürüşdirmek*.

**ÇÜRÜŞME [**çürüşmök**]**, *iş ady.* Çürüşmek ýagdaýy.

**ÇÜRÜŞMEK [**çürüşmök**]**, *işl.* **1**. Gyzgyn zada ýanyp ýygyrt-ýygyrt bolmak, bürüşmek. *Çokaýym oda çürüşdi*. **2**. Gynanç zerarly ýanyp-köýmek.

**ÇÜTE** [çütö], *syp.* Pes, ösgün däl, gysga; çüpe. *O Tejen, bu Tejen, künjüsi çüteje bitenje Tejen* (Ýaňyltmaç). *Ol ýerlere hemişe däne ekilerdi, iň çüte bitdi diýen ýeriň hem atyň göwsüne ýeterdi.*

**ÇÜTEBAŞ** [çütövaş], *at.* Suwsuzlyk zerarly başlary dänesiz bugdaý.

**ÇÜW**, *üml.* Münlüp barylýan aty, ýabyny, düýäni çaltrak ýöretmek üçin aýdylýan söz. *Tisginip galdy ýerinden, Eşidip "çüw" diýen sesi* (Ç. Aşyr).

◊ **Çüw atym** ilgezik, ýumuş buýruldygy ylgap duran.

**ÇÜWDE** [çüwdö], *at.* **1**. Paltanyň, teşäniň ýeňsesi. *Palta çüwdesine däninim, gamçy kär etmez. Size-de däninim kynçylyk kär edip bilmez* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Döwlet guşy"). **2**. Ýeňse çukuryň ýokarsyndaky tümmerip duran ýer, kelläniň galyp duran ýeňse tarapy. *Ýeňseden giren oklar çüwdäni pytradyp, maňlaýdan çykyp gitdiler* (Ý. Mämmediýew).

**ÇÜWDÜRILMEK** [çüwdürülmök], *işl.* Batly zymdyrylyp akmak, zarply akmak. *Suw bedräniň deşiginden çüwdürilip akýardy.*

**ÇÜWDÜRIM** [çüwdürüm], *at.* **1**. Basyş güýji arkaly dar deşikden suwuň zogdurylyp çykýan akymy. **2**. Çüwdürilip sowrulýan suw, nebit we ş.m.

**ÇÜWDÜRIŞ** [çüwdürüş], *iş ady.* Çüwdürmek ýagdaýy.

**ÇÜWDÜRME** [çüwdürmö], *iş ady.* Çüwdürmek ýagdaýy.

**ÇÜWDÜRMEK** [çüwdürmök] **I**, *işl.* Darajyk ýerden zarply çykarmak, dar deşikden batly akdyrmak.

**ÇÜWDÜRMEK** [çüwdürmök] **II**, *işl.* Çüwmek, sülmek işini birine etdirmek (aşyk oýnunda).

**ÇÜWDÜRMEKLIK** [çüwdürmöklük], *iş ady.* Çüwdürmek ýagdaýy.

**ÇÜWDÜRMEZLIK** [çüwdürmözlük], *işl.* Çüwdürmek işini etmezlik.

**ÇÜWME** [çüwmö], *iş ady.* Çüwmek ýagdaýy.

**ÇÜWMEK** [çüwmök], *işl.* **1**. Aşygy alçy ýa-da towha müner ýaly edip oklamak. **2**. *göç.m.* Oňuna bolmak, ümzügi öňe bolmak.

**ÇÜWMEKLIK** [çüwmöklük], *iş ady.* Çüwmek ýagdaýy.

**ÇÜWMEZLIK** [çüwmözlük], *işl.* **1**. Çüwüp durmazlyk. **2**. *göç.m.* Ugruna, oňuna bolmazlyk.

**ÇÜWÜŞ**, *iş ady.* Çüwmek ýagdaýy.

**ÇÜÝ I**, *at.* Bir zady kakyp berkitmek üçin ýörite ýasalan bir tarapy uçly, ikinji tarapy kelleli sim bölegi. *Öý eýesi dony diwardaky çüýden asdy.*

◊ **Çüýi (hyry) gowşamak** ejizlemek, ugry gaçmak, diýeni bolmazlyk. *Ahyr soňunda äriniň çüýi gowşap, aýaly gepini gögerdýär* ("Edebiýat we sungat").

**ÇÜÝ II**, *at.* Burun tarapy inçe, gylçyksyz balygyň bir görnüşi.

**ÇÜÝJERILMEK** [çüýjörülmek], *işl., ser.* **Çüýjermek**. *Gawun, garpyz, pomidordan başga gök ekin bardyr öýtmeýän garry, alkymyny galdyryp oglunyň ýüzüne çüýjerildi* (B. Öwezow).

**ÇÜÝJERIŞ** [çüýjörüş], *iş ady.* Çüýjermek ýagdaýy.

**ÇÜÝJERIŞMEK** [çüýjörüşmök], *işl.* Ýerli-ýerden çüýjerip başlamak.

**ÇÜÝJERMEK** [çüýjörmök], *işl.* Birine ýa-da bir zada tiňkäňi dikip seretmek, jüýjermek.

**ÇÜÝJERTMEK** [çüýjörtmök], *işl.* Gözüňi aýyrman seretmek. *Gözüňi çüýjerdip oturmak.*

**ÇÜÝJÜK I**, *at, gepl.d.* Süýji, kemput (çaga dili). *Men çüýjük getireýin, siz entek Bahar ejeňiziň gujagyna baryň!* (A. Gowşudow).

**ÇÜÝJÜK II**, *at.* But süňküniň çatalba süňki bilen birleşýän togalak ujy. *Çüýjükden geçen ok gyýçagyny aýyrmak lukmanlara ýeňil düşmedi*.

**ÇÜÝJÜKLIK** [çüýjüklük], *at.* But süňküniň çatalba süňki bilen birleşýän ýeri.

**ÇÜÝK-ÇÄK** [çüýk-çä:k], Oýun oýnaýan çagalaryň biriniň bir sebäp bilen oýundan aýrylyp, oýna gelip goşulýança oýna şärik däldigini aňladýan ümlük.

**ÇÜÝKE** [çüýkö], *at.* Ik egrilende gaýşyň daşyna süýlen sümek, daşyna ýüň saralyp, içinden barmagyň geçirilýän, gaýyşdan ýa-da esgiden edilen halka; sarmak. *Şol mahal Teneçir eje atanagyna, çüýkä saralan pişgesini alyp, gapydan girdi* (N. Pomma).

**ÇÜÝKELIK** [çüýkölük], *syp.* Çüýke eder ýaly, çüýke üçin niýetlenen (esgi, gaýyş). *Çüýkelik gaýyş almak.*

**ÇÜÝLEME** [çüýlömö], *iş ady.* Çüýlemek ýagdaýy.

**ÇÜÝLEMEK** [çüýlömök], *işl.* **1**. Çüý kakyp berkitmek, çüý urup gaçmaz ýaly etmek, çüý bilen berklemek. *Ussa tagtalary çüýleýär*. **2**. *göç.m.* Ýerlikli, degerli söz aýdyp, berk gaýtawul bermek, duzlamak, petigulusyny bermek. **3**. *göç.m.* Atmak, atyp urmak.

**ÇÜÝLEMEKLIK** [çüýlömöklük], *iş ady.* Çüýlemek ýagdaýy.

**ÇÜÝLENMEK** [çüýlönmök], *işl.* Biri tarapyndan çüý bilen berkidilmek. *Haly diwara çüýlenipdir.*

◊ **Çüýlenen ýaly** hereketsiz ýagdaýda bolan, gymyldysyz halda bolan.

**ÇÜÝLEŞDIRMEK** [çüýlöşdürmök], *işl.* Bir ýan ujundan çüýläp çykmak, hemmesini çüýlemek, yzly-yzyna çüý bilen berkitmek. *Gapyrjagyň döwlen tagtalaryny täzeden çüýleşdirmek.*

**ÇÜÝLEŞMEK** [çüýlöşmök], *işl.* Çüý kakmaga, çüý bilen berkitmäge kömekleşmek; bilelikde çüýlemek. *Tagta çüýleşmek. Olar gapyrjak çüýşleşip otyrdy.*

**ÇÜÝLETMEK** [çüýlötmök], *işl.* Çüýlemek işini başga birine etdirmek. *Tagtany çüýletmek.*

**ÇÜÝLEÝIŞ** [çüýlöýüş], *iş ady.* Çüýlemek ýagdaýy. *Onuň gapyrjak çüýleýşinden ýoldaşy hoşaldy.*

**ÇÜÝREME** [çüýrömö], *iş ady.* Çüýremek ýagdaýy.

**ÇÜÝREMEK** [çüýrömök], *işl.* **1**. Täsir netijesinde bozulyp başlamak. *Gumda bakylýan mal gaty sarç bolýar, basjak ýeriňi seljermän, çüýrän çerkezleri basyp, şatyrdy turzuberdigiň, ürküp başlaýardylar* ("Türkmenistan"). **2**. Kesilmek, zaýalanmak (süýt hakynda). *Süýt çüýräpdir.* **3**. Sary gitmek, ýyrtylyp başlamak, dargamak (geýim hakynda). *Onuň üstesine-de köne halta, aňry-bäri letdeler ýamalypdyr, olaram çüýräp pide bolupdyr* (A. Gowşudow).

**ÇÜÝREMEKLIK** [çüýrömöklük], *iş ady.* Çüýremek ýagdaýy.

**ÇÜÝREMEZLIK** [çüýrömözlük], *işl.* Çüýrük hala geçmezlik; çüýräp durmazlyk.

**ÇÜÝREŇKIRLEMEK** [çüýröňkürlömök], *işl.* Çüýremäge ýakynlamak, çüýräp ugramak.

**ÇÜÝREŞMEK** [çüýröşmök], *işl.* Kem-kemden çüýräp ugramak, ýeke-ýekeden çüýremek.

**ÇÜÝRETMEK** [çüýrötmök], *işl.* Idetmän, ugruna seretmän, çüýremegine sebäp bolmak.

**ÇÜÝREÝIŞ** [çüýröýüş], *iş ady.* Çüýremek ýagdaýy.

**ÇÜÝRÄBERMEK** [çüýrä:vermek], *işl.* Çüýräp ugramak.

**ÇÜÝRÜGRÄK** [çüýrüğürä:k], *syp.* Azda-kände çüýrük; çüýreňkirlän.

**ÇÜÝRÜK**, *syp.* **1**. Durky bozulan, asyl bolşundan zaýa. **2**. *göç.m.* Esasy, asly, düýbi gowşak bolan; sagdyn däl. *Çüýrük pikir.*

**ÇÜÝRÜK-ÇARYK** [çüýrük-ça:ryk], *syp.* Çüýrän hem ýarylan, kesilen. *Gawun-garpyzlaryň çüýrük-çarygyny tirte goşmak üçin peliň gyrasynda üýşürip goýdy.*

**ÇÜÝRÜKLIK** [çüýrüklük], *at.* **1**. Çüýrük ýagdaýda bolmaklyk, zaýalyk. **2**. *göç.m.* Gurluş taýdan berk dällik, gowşaklyk, sagdyn dällik; dagynyklyk, baş-başdaklyk.

**ÇÜÝRÜNTGI** [çüýrüntgü], *at.* Içki durky bozulan çüýrük galyndy, çüýrän zadyň bölegi, çüýrän ders. *Ol gyşyna toplanan ders çüýrüntgisini ekin meýdanlaryna daşasa, ýazda ekişdir beýleki çäreleri geçirmekde ýadamany-ýaltanmany bilmeýär* ("Türkmenistan").

**ÇÜÝŞE** [çüýşö], *at.* **1**. Kwars çägesi eredilip ýasalýan we içinden şöhle geçirip, aňyrsy görnüp duran ýaldyrawuk gaty jisim. **2**. Agzy dar aýna gap. *Ol aýalyň elindäki çüýşe ýere gaçdy-da döwüldi* (B. Kerbabaýew). *Bir çüýşe gazly suw*. **3**. Kerosin bilen ýagtyldýan çyranyň bulgury. *Çyra çüýşesi*.

◊ **Gök çüýşe ýaly** dury, dup-dury. *Guýynyň gök çüýşe ýaly suwy içmäge diýseň ýakymlydy.*

**ÇYBAN** [çy:van], *at, lukmanç.* Dömüp çykýan iriňli agyrly ýara, baş, çykuw. *Ýaryljak çyban ýarylyp dynsyn.*

◊ **Çybany ýarylmak** işiň, meseläniň çözgüdi, netijesi aýan bolmak, nähili hem bolsa bir ýüzli bolmak; çözgütden soň ynjalmak. *Murtuňyz salpardyp, gaçyrmaň gany, Goý, ýarylsyn ýigrimi ýylyň çybany* (Ý. Pirgulyýew).

**ÇYBŞYLDABERMEK** [çyvşylla:vermek], *işl.* Çybşyldap ýöräp başlamak, çybşyldyny dowam etdirmek. *Şeýdip çybşyldaberseň, günortana ýetersiň.*

**ÇYBŞYLDAMA** [çyvşyllama], *iş ady.* Çybşyldamak ýagdaýy.

**ÇYBŞYLDAMAK** [çyvşyllamak], *işl.* Çybyş-çybyş edip ýöremek; haýal, ýuwaşlyk bilen ýöremek. *Garry daýza arkasy ýükli çybşyldap gelýärdi.*

**ÇYBŞYLDAMAKLYK** [çyvşyllamaklyk], *iş ady.* Çybşyldamak ýagdaýy.

**ÇYBŞYLDAMAZLYK** [çyvşyllamazlyk], *işl.* Çybşyldap ýöremezlik.

**ÇYBŞYLDAŞMAK** [çyvşyllaşmak], *işl.* Bilelikde çybşyldamak. *Olar gamyşlykdan çybşyldaşyp barýardylar.*

**ÇYBŞYLDATMAK** [çyvşyllatmak], *işl.* Aýagyňy çybşyldy bilen ätmek, çybşyldap ýöremek.

**ÇYBŞYLDAÝYŞ** [çyvşyllaýyş], *iş ady.* Çybşyldamak ýagdaýy.

**ÇYBŞYLDY** [çyvşylly], *at.* Ýuwaş ýörelende çykýan sesiň ady. *Birden gapdalymdan çybşyldy eşidildi* (T. Gurbanow).

◊ **Çybşylda urmak** gürrüňiň, habaryň soňuny bulaşdyrmak, gümürtiklige salmak, gümmi-sümmä

urmak. *Bally halys özüni ýitirdi, ol sözüniň soňuny çybşylda urdy* (A. Gowşudow).

**ÇYBYK** [çy:vyk], *at.* **1**. Agajyň inçe uzyn baldaklary, pudak. *Ol seredip görse, onuň öňünde kiçeňräk iki sany pyntyklyja çybyk ýatyrdy* (A. Gurbanow). **2**. Haly nagyşlarynyň arasyndan gidýän göni çyzyk. **3**. Tüpeňiň nilini arassalamak üçin ýörite ulanylýan demir çiş, syh.

◊ **Çygar çybyk** *ser*. **Çygar**.

**ÇYBYKLAMA** [çy:vyklama], *iş ady.* Çybyklamak ýagdaýy.

**ÇYBYKLAMAK** [çy:vyklamak], *işl.* **1**. Çybyk çykarmak, çybyk ösmek. *Agaçlar çybyklap başladylar*. **2**. Çybyk bilen urmak, çybyk bilen saýgylamak.

**ÇYBYKLAMAKLYK** [çy:vyklamaklyk], *iş ady.* Çybyklamak ýagdaýy.

**ÇYBYKLAMAZLYK** [çy:vyklamazlyk], *işl.* **1**. Çybyk çykarmazlyk (gögerip oturan agajyň çybygy hakynda). **2**. Çybyk bilen urmazlyk, saýgylamazlyk.

**ÇYBYKLANMAK** [çy:vyklanmak], *işl.* Biri tarapyndan çybyk bilen urulmak, ýenjilmek.

**ÇYBYKLAŞMAK** [çy:vyklaşmak], *işl.* Biri-biriňi çybyk bilen urmak, çybykly uruşmak.

**ÇYBYKLATMAK** [çy:vyklatmak], *işl.* Birini çybyk bilen urdurmak, saýgylatmak.

**ÇYBYKLAÝYŞ** [çy:vyklaýyş], *iş ady.* Çybyklamak ýagdaýy.

**ÇYBYN** [çy:vyn], *at.* Iňňesi bilen gan sorup iýmitlenýän ganatly mör-möjejik, peşe. *Çybyndan goranmak üçin peşehana edindiler*. *Çybyndan goranmak üçin edilen tüsseleriň üstüne tezek atyşdyryp gitdi* (Ý. Mämmediýew).

◊ **Çybyn gorar** alynşaýyň aşak gyrasyndaky hatar düzülen şelpeler.

**ÇYBYNLYK** [çy:vynlyk], *at.* Çybynyň köp ýeri. *Suwly ýer çybynlyk bolýar.*

**ÇYBYŞ-ÇYBYŞ** [çyvyş-şyvyş], *s. ş. aňl. söz.* Ýöräp barýarkaň köwşüň aşagy ýere degip, çalajadan çykýan ses. *Ol çybyş-çybyş edip, içeri girdi* (O. Ödäýew).

**ÇYDABERMEK** [çyda:vermek], *işl.* Çydap ýörmek, çydap durmak.

**ÇYDAM**, *at.* **1**. Agyry, kynçylyk we ş.m. ýagdaýa bolan dözüm, çydaýyş. *Onuň tiken batsa-da çydamy ýokdy, waý-waýlaberýärdi.* **2**. Sabyr, takat, kanagat. *Artyk garaşmaga onda çydam galmady.*

◊ **Çydam (sabyr) käsesi püre-pür bolmak** sabyr-takaty gutarmak, çydamazlyk katdyna ýetmek.

**ÇYDAMA**, *iş ady.* Çydamak ýagdaýy.

**ÇYDAMAK**, *işl.* **1**. Agyry, kynçylyk we ş.m. ýagdaýa çydam etmek, döz gelmek, garşy durmak. *Kyýas bykynynyň yzasyna zordan çydasa-da, syr bermän ýylgyryp goýberdi* (N. Jumaýew). **2**. Sabyr, sabyr-takat etmek, garaşmak. *Howlukma, ýene birazrak çyda!* **3**. *göç.m.* Ýeterlik bolmak, ýetmek. *Beýle harajata zat çydarmy?* ("Görogly").

**ÇYDAMAKLYK**, *iş ady.* Çydamak ýagdaýy.

**ÇYDAMAZLYK**, *at.* **1**. Çydam edip bilmezlik, garşy durup bilmezlik. *Ol agyr işe çydamady.* **2**. Sabyr-takaty, çydamy ýetmezlik.

**ÇYDAMLY**, *syp.* **1**. Agyr kynçylyga we ş.m. ýagdaýa döz gelip bilýän, dözümli. *Tebigat adamy çydamly ýaradypdyr.* **2**. Her bir zada sabyrly, takatly. *Çydamly adam.* **3**. Dözümli, durumly. *Sazak gurakçylyga we yssa çydamly ösümlikdir.*

**ÇYDAMLYLYK**, *at.* **1**. Agyry, kynçylyk we ş.m. ýagdaýa döz gelip bilmeklik, dözümlilik. *Sungat gözel duýgyny, ruhubelentligi döredýär, dürli kynçylyklary ýeňip geçmäge-de, şowsuzyklary ýeňillik, çydamlylyk bilen başdan geçirmäge-de kömek edýär* ("Türkmenistan"). **2**. Her bir zada bolan sabyrlylyk, takatlylyk. **3**. Ulanmak, peýdalanmak üçin dözümlilik, durumlylyk, berklik; berdaşlylyk.

**ÇYDAMLYRAK** [çydamlyra:k], *syp.* Azda-kände çydamly. *Çydamlyrak bolmak*.

**ÇYDAMSYZ**, *syp.* **1**. Agyry, kynçylyk we ş.m. ýagdaýa dözümsiz; çydam etmeýän. *It yssa çydamsyz bolýar* (A. Gurbanow). *Geçi malyny çölde gyrkmak bolmaýan ekeni, sebäbi ol yssy-sowuga çydamsyz* ("Türkmenistan"). **2**. Sabyrsyz, takatsyz. *Ol açlyga gaty çydamsyzdyr.* **3**. Ulanmak, peýdalanmak üçin berk däl, sagdyn däl, durumsyz. *Ýeňil maşynlar agyr ýollara çydamsyz bolýar.*

**ÇYDAMSYZLYK**, *at.* **1**. Agyra, kynçylyga we ş.m. ýagdaýa dözümsizlik; çydam etmezlik. **2**. Sabyrsyzlyk, takatsyzlyk. **3**. Ulanmak, peýdalanmak üçin sagdyn, berk dällik, durumsyzlyk.

**ÇYDATMAK**, *işl.* **1**. Çydam etdirmek, dözümlilik bildirmek. *Olar ýaly agyrylar çydadaýsa ne ýagşy*. **2**. Ýeterlik bolmak, mukdar taýdan ýetmek. *Bu sowşuňa pul çydadyp bolmaz.*

**ÇYDAMSYZRAK** [çydamsyzyra:k], *syp.* Azda-kände çydamsyz. *Çydamsyzrak adam.*

**ÇYG** [çy:ğ], *at.* **1**. Ýagyn, ygal sebäpli emele gelen yzgar, nem, öl. *Odun çyg bolansoň oňat tutaşman, goýy-goňur tüsse burugsap, al-asmana göterildi* (N. Pomma). **2**. Adamyň endamyndan çykýan der; deriden süzülip çykan suw damjasy. *Onuň maňlaýyna çyg geldi.* **3**. Ygal, ýagyş, ýagyn. *Bu ýere sähelçe çyg düşse, batga öwrülip, ýuwudyp barýar* (B. Gurbanow). **4**. Agşamlaryna otlara düşüp, ertir irden buldurap duran suw damjasy. *Çyg düşen çemenleri ýygyp düýräli, gözel* (Mätäji).

**ÇYGAR** [çy:ğa:r]: **çygar çybyk** guramadyk, çygly, yzgary gitmedik ýa-da suwa ýatyrylyp ýa-da öllenip, çyg çekdirilen çybyk. *Üzümiň jyzalan çygar çybyklary onuň geýimlerinden asylyşýardy* (A. Gowşudow).

**ÇYGJARMA** [çy:ğjarma], *iş ady.* Çygjarmak ýagdaýy.

**ÇYGJARMAK** [çy:ğjarmak], *işl.* **1**. Birneme derlemek, çala çyg peýda bolmak. *Ýuwaşjadan çaý owurtlap oturan Ýusubyň burnunyň üsti çygjarypdyr* (B. Soltannyýazow). **2**. Ýaşarmak, nemlenmek, göze ýaş inmek. **3**. Ýagyn, ygal ýa şorlama zerarly toprakda çala çyg emele gelmek. *Çisňiden ýaňa ýer çygjaryp başlady.*

**ÇYGJARMAKLYK** [çy:ğjarmaklyk], *iş ady.* Çygjarmak ýagdaýy.

**ÇYGJARMAZLYK** [çy:ğjarmazlyk], *işl.* Çygjaryp durmazlyk.

**ÇYGJARTMAK** [çy:ğjartmak], *işl.* **1**. Çyg hala getirtmek. **2**. Ýuwaşja ýaşartmak, nemlendirmek. *Gözüňi çygjartmak.*

**ÇYGJARYBERMEK** [çy:ğjaryvermek], *işl.* Çygjaryp başlamak.

**ÇYGJARYŞ** [çy:ğjaryş], *iş ady.* Çygjarmak ýagdaýy.

**ÇYGJARYŞMAK** [çy:ğjaryşmak], *işl.* Çygjaryp durmak, kem-kemden çygjaryp başlamak. *Çaý içen adamlaryň ýüzi çygjaryşypdy.*

**ÇYGLABERMEK** [çy:ğla:vermek], *işl.* Çyglap başlamak.

**ÇYGLAMA** [çy:ğlama], *iş ady.* Çyglamak ýagdaýy.

**ÇYGLAMAK** [çy:ğlamak], *işl.* Suw sepip çyg bermek, çyg çeker ýaly etmek, çyg etmek. *Derini çyglap ýumşatmak.*

**ÇYGLAMAKLYK** [çy:ğlamaklyk], *iş ady.* Çyglamak ýagdaýy.

**ÇYGLANMAK** [çy:ğlanmak], *işl.* Çyg bolmak, çyg almak, çyg ýagdaýa gelmek. *Temmäki çyglanandan soň, ony çilimiň başyna salyp üstüne köz goýdy* (B. Seýtäkow).

**ÇYGLATMAK** [çy:ğlatmak], *işl.* Birine çyg etdirmek, çala ölletmek.

**ÇYGLAÝYŞ** [çy:ğlaýyş], *iş ady.* Çyglamak ýagdaýy.

**ÇYGLY** [çy:ğly], *işl.* Çyg çeken, çygy bar bolan, yzgarly, nemli, tagta gelen. *Daýysynyň ýabysy bilen düýesini goşup, çygly ýerden keş çekip ugrady* (B. Kerbabaýew). *Gün gaty gyzdyryp ugransoň, çygly toprak gaýzygyp başlady. Galyňdan basylan gülli keçeler çyglydy* ("Türkmenistan").

**ÇYGLYK** [çy:ğlyk], *at.* Ýagynlyk, ygallyk. *Çyglykda ýöremek kyn hem bolsa, köwdäki täsinlikler ýadawlygy ýadyňa salmaýar* ("Edebiýat we sungat").

**ÇYGLYLYK** [çy:ğlylyk], *at.* Çygy barlyk, nemlilik, yzgarlylyk; nemlenmek derejesi. *Pagtanyň çyglylygyny kesgitlemek.*

**ÇYGLYRAK** [çy:ğlyra:k], *syp.* Az-kem çygly. *Çyglyrak pagta. Çyglyrak howa.*

**ÇYGLYŞ** [çyğlyş], *iş ady.* Çygylmak ýagdaýy.

**ÇYGLYŞMAK** [çyğlyşmak], *işl.* Ýerli-ýerden birnäçe bolup çygylmak, çyglyp dem almak. *Näme beýle öküzi daňyp bilmän çyglyşyp dursuňyz?*

**ÇYGŞYLDAMA** [çyğşyllama], *iş ady.* Çygşyldamak ýagdaýy.

**ÇYGŞYLDAMAK** [çyğşyllamak], *işl.* Çygyş-çygyş edip seslenmek, çygşyldyly ses çykmak. *Aşyryň çygşyldap gelenini-de duýmady* (B. Kerbabaýew).

**ÇYGŞYLDAMAKLYK** [çyğşyllamaklyk], *iş ady.* Çygşyldamak ýagdaýy.

**ÇYGŞYLDAMAZLYK** [çyğşyllamazlyk], *işl.* Çygşyldap ses çykarmazlyk.

**ÇYGŞYLDAŞMAK** [çyğşyllaşmak], *işl.* Çygşyldyly seslenmek (birnäçe zat hakda).

**ÇYGŞYLDATMAK** [çyğşyllatmak], *işl.* Çygşyldyly seslendirmek. *Berdi aga çokaýyny çygşyldadyp, Myrat keliň öýüne salam berip girdi* (A. Durdyýew).

**ÇYGŞYLDY** [çyğşylly], *at.* Çöp-çalamlaryň içinden ýörelende we ş.m. çykýan aýak sesi. *Çep tarapdan çygşyldy eşidildi.*

**ÇYGYLDYRMAK** [çyğyllyrmak], *işl.* Çygylmaga mejbur etmek, güýç sarp etdirmek.

**ÇYGYLMA** [çyğylma], *iş ady.* Çygylmak ýagdaýy.

**ÇYGYLMAK** [çyğylmak], *işl.* Demiňi içiňe çekip, özüňe zor salmak, az wagtlyk demiňi tutup hyklamak. *Ol birden çyglyp, ýumrugyny aýlady* ("Edebiýat we sungat").

**ÇYGYLMAKLYK** [çyğylmaklyk], *iş ady.* Çygylmak ýagdaýy.

**ÇYGYR** [çyğyr], *at.* **1**. Belli bir çäkli ýer, serhet, çäk. *Ol halynyň tarypy obanyň çygryndan çykyp, bütin ile ýetdi*. **2**. Goýun sürüsiniň bir gezek aýlaw edýän, otlaýan ýeri. *Çopan kä gün sürüsini öňki çygrynda bakýardy.*

◊ **Çygyrdan çykmak 1)** öňki öwrenişilen ýoldan çykmak, boýun egmezlik, gulak asmazlyk, tabyn bolmazlyk, özbaşdaklyk etmek. *Aýnabat indi ikimiziň çygrymyzdan çykandyr* (B. Kerbabaýew). **2)** hetden aşmak, öte geçmek, çenden geçmek. *Men gürrüňe kelläm gyzyp, öz çygrymdan daşa çykaýdym öýdýän* ("Edebiýat we sungat"). **Çygyr öri** bir süri malyň örüsi, gezýän giňişligi.

**ÇYGYRMA** [çy:ğyrma], *iş ady.* Çygyrmak ýagdaýy.

**ÇYGYRMAK** [çy:ğyrmak], *işl.* Inçeden ýiti ses bilen gygyrmak, çirkin ses etmek.

**ÇYGYRMAKLYK** [çy:ğyrmaklyk], *iş ady.* Çygyrmak ýagdaýy.

**ÇYGYRTMAK** [çy:ğyrtmak], *işl.* Çygyrmaga mejbur etmek, çygyrmaga sebäp bolmak.

**ÇYGYRYBERMEK** [çy:ğyryvermek], *işl.* Çygyryp başlamak; çygyryp durmak.

**ÇYGYRYŞ** [çy:ğyryş], *iş ady.* Çygyrmak ýagdaýy.

**ÇYGYRYŞMAK** [çy:ğyryşmak], *işl.* Birnäçe bolup ýerli-ýerden çygyrmak.

**ÇYGYŞ-ÇYGYŞ** [çy:ğyş-çy:ğyş], *ser.* **Çybyş-çybyş**.

**ÇYKABERMEK** [çyka:vermek], *işl.* Çykap başlamak.

**ÇYKALGA** [çykalğa], *at.* **1**. Bir zadyň içinden çykylýan ýer, çykmak üçin ýer, gapy. *Bularyň goşlaryny goýan beýiginiň diňe bir çykalgasy bardy* (A. Gowşudow). **2**. Üstüne münmesi kyn ýere, ýagny daga, depä we ş.m. galynýan ýol. **3**. *göç.m.* Bir ýagdaýdan çykmak üçin agtarylýan ýol, çäre, alaç. *Çykalga tapmak.*

**ÇYKALGASYZ** [çykalğasyz], *syp.* **1**. Çykylýan ýeri bolmadyk. *Çykalgasyz dere.* **2**. *göç.m.* Alaçsyz, çäresiz, çykgynsyz.

◊ **Çykalgasyz ýolda galmak** çykgynsyz ýagdaýda galmak, alajyny tapyp bilmezlik.

**ÇYKALGASYZLYK** [çykalğasyzlyk], *at.* Çykalga ýokluk, çäresizlik, alaçsyzlyk. *Çykalgasyzlyk diýen zat bolmaz.*

**ÇYKALGASYZRAK** [çykalğasyzyra:k], *syp.* Belli derejede çykalgasyz. *Çykalgasyzrak ýagdaýda galmak.*

**ÇYKALMAK**, *işl.* Çykap goýulmak. *Ýyglan odunlar çykalyp goýuldy.*

**ÇYKAMA**, *iş ady.* Çykamak ýagdaýy.

**ÇYKAMAK**, *işl.* Mala ýüklemek, arkaňa almak üçin odun-çöp, goş-golam we ş.m. zatlary tertipli toplap, ykjam daňmak, terslin-oňlyn goýup daňmak. *Japbak onuň ýükünden özüne bir arka odun çykady* (B. Kerbabaýew).

**ÇYKAMAKLYK**, *iş ady.* Çykamak ýagdaýy.

**ÇYKAMAZLYK**, *işl.* Çykamak işini ýerine ýetirmezlik, çykap durmazlyk.

**ÇYKAN**, *at.* Iki aýal doganyň çagalarynyň biri-birine bolan garyndaşlyk gatnaşygyny görkezýän söz, ejeleri dogan bolan oglan ýa gyz.

**ÇYKANLYK**, *at.* **1**. Çykan ýagdaýynda bolmaklyk. **2**. Çykan hökmünde edilmeli iş, çykanyň borjy. *Seniň-ä çykanlygyň ýalan eken.*

**ÇYKAŇKYRLAMAK**, *işl.* Çykmaga ýakynlamak, çykjak-çykjak bolup durmak, ýarym-ýarpy çykmak.

**ÇYKARAŇKYRLAMAK**, *işl.* Çykarmaga ýakynlamak, çykarjak-çykarjak bolup durmak.

**ÇYKARMA**, *iş ady.* Çykarmak ýagdaýy.

**ÇYKARMAK**, *işl.* **1**. Bir zadyň içinden daşyna alyp çykmak, içinden daşyna almak. *Egnine ýelbegeý atan täzeje agar çäkmeniniň jübüsinden desmalyny çykaryp, derjiräp duran maňlaýyny syldy* (G. Kulyýew). **2**. Eşigiňi, telpegiňi, aýakgabyňy bedeniňden aýyrmak, sypyrmak, aýryp goýmak. *Köýnegiňi çykarmak.* **3**. Gulluk wezipesinden aýyrmak, boşatmak. *Işden çykarmak.* **4**. Gyz maşgalany gözli-başly etmek, başyny bogmak, äre bermek. *Goňşular hem ertir gyzyny çykarýar.* **5**. Birine derek başga biri bilen haklaşmak, hutma-hut bolmak. *Sen Ilamana gelen gaharyňy menden çykarma.* **6**. Mal-garany bir ýere bakmak üçin äkitmek. *Han küýli oňa: - Saçak hakynda sen alada edýärsiň, besdir bize, eger men hem alada etsem, onda guma goýun çykarmaly bolarys* (A. Durdyýew). **7**. Harydy, önümi ýerlemek üçin bir ýerden başga bir ýere satmak üçin alyp gitmek. *Ol täze dokan halysyny bazara çykardy.* **8**. Meseläni işläp çözmek, işlemek. *Aňkaryň çykaran hasaby üçin žurnala ullakan harp bilen bäşlik goýdy* (B. Kerbabaýew). **9**. Önüm bermek, önüm öndürmek. *Zawodyň çykarýan önümleriniň hili ýokary.* **10**. Ýerasty baýlyklary gazyp almak. *Nebit çykarmak.* **11**. Göçer ýaly etmek, gider ýaly etmek, bir ýerden kowmak. *Obadan çykarmak.* **12**. Çap edip ýaýratmak. *Kitap çykarmak.* **13**. *göç.m.* Zadyň bahasyny öňki nyrhyndan ýokary galdyrmak. *Çaýyň gadagyny men üç manada-da çykaryp bilerin* (B. Kerbabaýew). **14**. Ölen adamy jynaza okalandan soň gonamçylyga ugratmak.

**ÇYKARMAKLYK**, *iş ady.* Çykarmak ýagdaýy.

**ÇYKARMAZLYK**, *işl.* Çykarmak işini ýerine ýetirmezlik.

**ÇYKARTMAK**, *işl.* **1**. Bir zadyň içindäkileri aldyrmak. *Guýudan suw çykartmak.* **2**. Egin-eşigiňi, telpegiňi, köwşüňi we ş.m. aýyrtmak. *Hany, gaýratyň bolsa çykart ädigi!* (G. Kulyýew). **3**. Önüm öndürtmek. *Täzelikde kärhanamyzda kökäniň täze görnüşini çykardyp başladylar.* **4**. Wezipesinden boşatdyrmak. **5**. Mal-garany äkitdirmek. *Goýunlary örä çykartmak.* **6**. Meseläni çözdürmek. *Hasaby EHM-e çykartmak.* **7**. Bir ýerden kowdurmak. *Obadan çykartmak.* **8**. Kitap, makala we ş.m. çap etdirmek. *Goşgyny çykartmak.* **9**. Bahasyny ýokarlandyrtmak. *Nyrhy pylança çykartmak.*

**ÇYKARYLMAK**, *işl.* **1**. Bir ýerden çykarmak işi edilmek. *Nebit guýudan meşik bilen çykarylypdyr* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Öňki ýerinden aýrylmak. *Telpek çykarylmalydy, guşak çözülmelidi.* **3**. Gyz durmuşa çykarylmak, ýerleşdirilmek. **4**. Önüm öndürilmek. *Bir müň dokuz ýüz on üçünji ýylda Türkmenistanda bary-ýogy bir ýüz ýigrimi dokuz müň tonna nebit çykarylypdyr* ("Edebiýat we sungat"). **5**. Wezipesinden aýrylmak. *Ol işden çykarylypdyr.* **6**. Mal-gara bakmak üçin bir ýere äkidilmek. *Goýunlar aýagyny ýazsyn diýip, meýdana*

*çykaryldy.* **7**. Haryt, önüm ýerlenmek üçin bir ýerden başga bir ýere satmak üçin alnyp gidilmek. Türkmen ýangyç serişdeleriniň halkara bazaryna çykarylmagy – bu biziň ýurdumyzyň global energetika howpsuzlygyna goşandydyr (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr"). **8**. Ýerasty baýlyklar alynmak. *Gaz we nebit çykaryldy.* **9**. Çap, neşir edilmek. *Makala çykaryldy.* **10**. Bahasy galdyrylmak. *Süýdüň litri pylança çykaryldy.*

**ÇYKARYNMAK**, *işl.* Öz geýim-gejimiňi, eşigiňi çykarmak, sypyrynmak. *Ol çykarynyp durşuna gürrüňini dowam etdi* ("Edebiýat we sungat").

**ÇYKARYŞDYRMAK**, *işl.* Bir ujundan yzly-yzyna çykarmak. *Batyr sapançany şark-şurk açyşdyrdy-da, darakdaky oklary çykaryşdyrdy* (Ý. Mämmediýew). *Geýimleriňi çykaryşdyrmak. Gyzlaryňy çykaryşdyrmak.*

**ÇYKARYŞ**, *iş ady.* Çykarmak ýagdaýy.

**ÇYKARYŞMAK**, *işl.*1. Bir zady çykarmaga kömekleşmek, çykarmaga kömek etmek. *Halyny daşary çykaryşmak. Bulary teläre çykaryşsana!* **2**. Bilelikde çykarmak. *Olar keçeleri kakmak üçin öýden çykaryşyp ýördüler.*

**ÇYKAŞDYRMAK**, *işl.* Bir ýanyndan çykap çykmak. *Ol düýä uruljak odunlary çykaşdyrdy.*

**ÇYKAŞMAK**, *işl.* **1**. Çykamaga kömekleşmek. *Agtygy garry atasyna odun çykaşdy*. **2**. Birnäçe bolup çykamak.

**ÇYKATMAK**, *işl.* Çykamak işini başga birine etdirmek, üýşürip daňdyrmak. *Odun çykatmak.*

**ÇYKAÝYŞ**, *iş ady.* Çykamak ýagdaýy.

**ÇYKDAJY**, *at.* Belli bir zada edilýän harajat, çykýan harç. *Şol çykdajylaryň barysy, bary-ýogy iki ýylyň içinde özüni ödedi.*

**ÇYKDAJYLY**, *syp.* Köp pul harçlamaly, çykdajysy köp. *Çykdajyly söwda. Çykdajyly toý.*

**ÇYKGYNSYZ** [çykgynsyz], *syp.* Alaçsyz, çykalgasyz, çäresiz, çykalga tapylmaýan. *Aýnagözel çykgynsyz ýagdaýda galdy* ("Edebiýat we sungat").

**ÇYKGYNSYZLYK** [çykgynsyzlyk], *at.* Alaçsyzlyk, çäresizlik, bir ýagdaýdan çykalgasyzlyk; çykmagyň ýoly, täri tapylmazlyk. *Ýagdaýyň çykgynsyzlygy meni howatyrlandyrýar.*

**ÇYKGYT** [çykgyt], *at.* Sahypanyň aşagynda ýerleşdirilýän düşündiriş häsiýetli ýazgy; maglumatyň ilkinji ady.

**ÇYKMA**, *iş ady.* Çykmak ýagdaýy.

**ÇYKMAK**, *işl.* **1**. Bir ýeri taşlap gitmek, bir ýeriň içinden daşyna gitmek, ýaşaýan, bolýan ýeriňden gitmek. – *Sizem sag-aman oturyň-diýip, ol çykyp gitdi. Menin obadan çykanyma elli ýyl bolupdyr. Öýden çykmak. Goýun sürüden çykyp gidipdir*. **2**. Belentlige münmek, beýik zadyň üstüne münmek. *Beýik alaňlaryň üstüne çykyp, Berdiniň ýoluna seredýärdi* (H. Derýaýew). *Tamyň üstüne çykmak. Erige çykyp, erik ýygmak. Daga çykmak.* **3**. Ýaz pasly hakynda: başlamak, peýda bolmak, gelmek. *Bu ýyl ýaz ir çykdy.* **4**. Gyş pasly hakynda: tamam bolmak, sowulmak. *Gyş çykdy.* **5**. Gulluk wezipäňden aýrylmak, boşamak. *Ýa şol işiňden çykarsyň ýa-da başga işe geçersiň.* **6**. Öňe saýlanmak, öňe tarap somalyp durmak. *Soňky goýan kerpijiň daşyna çykyp dur.* **7**. Ýaryşda ozmak, pellehana öň gelmek. *Birnäçe uly toýlarda onuň çapan atlary çykyp, köp baýrak alypdy.* **8**. Äre barmak, durmuş gurmak. **9**. Çykuw şekilinde ýara döremek. *Çyban çykmak. Beze çykmak.* **10**. Gögerip ýeriň ýüzünde peýda bolmak, güberip galmak. *Kömelek çykmak.* **11**. Ösüp başlamak, gögermek, görnüp başlamak. *Ýere sepilen däne endigan çykypdyr*. **12**. Gymmatlamak. *Hyýaryň bahasy pylança manada çykdy.* **13**. Duran ýerinden üýtgemek, sypmak, bogundan ýazmak. *Aýagym çykdy-da birden, Ýykyldym – badymy kesdim* (P. Körpäýew). *Topugym çykdy-da, birden ýere ýazylyp gitdim.* **14**. Üstünden aýyrmak, kemeltmek. – *Ine, seniň güýzki alan zatlaryň jemi şunça pul bolýar, ondan şunçasyny çyksak, seniň şunça bergiň galýar – diýdi* (A. Gowşudow). **15**. Zäheri aýrylmak, arassalanmak. *Lukmanyň eminden soň möýüň zäheri çykdy.* **16**. Eşidilmek (ses hakda). *Onuň sesi çala çykýardy.* **17**. Çap edilmek. *Türkmen dilinde çykýan kitaplaryň hemmesi türkmen milli elipbiýindedir*. **18**. Kömekçi işlik hyzmatynda gelip, ýanaşyp gelýän isimleriniň manylary bilen baglanyşykly ýagdaý ýa-da hereket aňladýar: **Arka çykmak** birine goldaw, hemaýat bermek. **Eýe çykmak** haýsy hem bolsa bir zadyň eýesidigiňi mälim etmek, belli etmek. **Garşy çykmak** haýsy-da bolsa bir pikire, bir düşünjä garşy durmak, garşy gitmek. **Hossar çykmak** biriniň tarapyny tutmak, arka durmak, kömek etmek. **Üstün çykmak** garşydaşyňy ýeňmek, ondan rüstem gelmek. **Ýigit çykmak** çagalykdan saýlanmak, kämillik ýaşyna ýetmek (oglan hakda). **Ýüze çykmak** peýda bolmak, emele gelmek, äşgär bolmak, döremek. **19.** Öňünden gelýän hal işligi bilen birlikde gymyldy-hereketiň tamamlanandygyny aňladýar, mysal üçin: – **Göçürip çykmak** teksti, ýazgyny we ş.m. başdan-aýak göçürmek. *Golýazmany göçürip çykdym.* **Okap çykmak** kitaby, gazeti we ş.m. başdan-aýak okamak. *B. Kerbabaýewiň "Aýgytly ädim" romanyny okap çykdym.*

◊ **Bergiň aşagyndan çykmak** öz karz alan pullaryňy üzüp gutarmak. **Durmuşa çykmak** biri bilen goş birikdirmek, äre barmak. **Keýpden çykmak** hezil edip, ýadaýançaň oýnamak, görmek we ş.m. **Sandan çykmak** harap bolmak; zaýalanmak.

**ÇYKMAKLYK,** *iş ady.* **1**. Çykmak ýagdaýy.

**ÇYKMAZLYK**, *işl.* Çykman durmaklyk.

**ÇYKUW**, *at.* Tenden dömüp çykýan her hili çiş. *Şu barmagymdan çykuw çykýar weli, halys mazamy alýar*.

**ÇYKYBERMEK** [çykyvermek], *işl.* Çykyp başlamak, çykyp gidibermek.

**ÇYKYK**, *at.* Ýazan bogun, adaty, bolmaly ýerinden gozganan.

**ÇYKYM**, *at.* Bir zat üçin çykarylýan harajat, pul, puluň ýerini tutup biljek başga bir zat.

◊ **Eliniň çykymy ýok** bir zada pul we ş.m çykarmaly, bermeli bolsa, az mukdarda çykarýan, berýän (adam hakynda). *Onuň eliniň çykymynyň ýokdugyny öňem bilýärdik-le.*

**ÇYKYMSYZ**, *syp.* Çykymy ýok, çykymy bolmadyk. *Ol aýdylandanam beter çykymsyz eken. Çykymsyz adam.*

**ÇYKYMSYZRAK** [çykymsyzyra:k], *syp*. Az-kem çykymsyz, gysygrak.

**ÇYKYN-ÇYKYN**, *hal.* Bedeniniň gaty etleri (myşsalary, muskullary) ýumry-ýumry bolup duran. *Maňlaýy sakar al atyň art butlary çykyn-çykyn bolup durdy* (B. Kerbabaýew).

**ÇYKYŞ**, *iş ady.* **1**. Çykmak ýagdaýy. **2**. Çykyp gepleýän adamyň sözlän sözi. *Konferensiýa gatnaşyjylaryň çykyşlary. Çykyşlar tamamlanandan soň, baýraga mynasyp bolanlaryň atlary sanalýar* ("Güneş").

◊ **Çykyş düşüm** "kimden? nämeden? nireden?" diýen soraglara jogap bolýan düşüm. **Çykyş etmek** 1) köpçüligiň öňünde haýsydyr bir temadan söz sözlemek. *Deputatlyga dalaşgär saýlawçylaryň öňünde çykyş etdi*. 2) bir zadyň başlangyjyny goýmak; wagyz etmek, öňbaşçy ýagdaýda bolmak, öňe saýlanmak. *Dünýä ähmiýetli teklipleri hödürleýän ýurt hökmünde çykyş etmek*.

**ÇYKYŞMAK**, *işl.* **1**. Birnäçe bolup çykmak, yzly-yzyna çykmak. *Adamlar içeri girişip, daşary çykyşyp başladylar*. **2**. Ozal öwrenen zadyňdan, endiginden ara açmak, daşlaşmak. *Meniň elim bu zatlardan çykyşypdyr*.

**ÇYLGYM** [çy:lğym], *at.* Uzalyp gidýän zolak çyzyjak, zolak ýygyrt. *Onuň gözlerinde gyzgylt çylgymlar göründi.*

**ÇYLGYM-ÇYLGYM** [çy:lğym-çy:lğym], *at.* Çyzyk-çyzyk, zolak-zolak, zol-zol.

**ÇYLKA**, *syp.* Süňksüz ýumşak (et hakynda). *Etiň çylka ýeri*.

**ÇYLKARAK** [çylkara:k], *syp.* Azda-kände çylka, etliräk.

**ÇYLKASYZ**, *syp.* Manysyz sözleýän, ýoknasyz, batnyksyz, suwumsyz.

◊ **Çylkasyzyny ýetirmek** bolgusyz, ýerliksiz söz aýdyp göwne degmek, bolgusyzyny aýtmak.

**ÇYLKASYZLYK**, *at.* Manysy ýokluk, ýoknasyzlyk, batnyksyzlyk, suwumsyzlyk. *Çylkasyzlyk edip, her kime söz gatýardy*.

**ÇYLKASYZRAK** [çylkasyzyra:k], *syp.* Belli derejede çylkasyz, birneme çylkasyz.

**ÇYLPAMAK: çylpap urmak** göreşde ýa-da degişme tutluşygynda garşydaşyňy aýlap, bulap ýere urmak, ýykmak. *Ol ýoldaşyny ýokary göterip, çylpap ýere urdy.*

**ÇYLPYK**, *at gep.d.* Gözüň agyrmagy netijesinde emele gelýän we burun tarapyndaky gyrasyna, çekgesine ýygnanýan iriňli şepbeşik. *Ol çylpykly gözlerini zordan açdy*.

**ÇYLPYKLAMA**, *iş ady.* Çylpyklamak ýagdaýy.

**ÇYLPYKLAMAK**, *işl.* Gözüň gyrasyna, çekgesine, iriňli şepbeşik ýygnanmak, çylpyk emele gelmek. *Çylpyklan gözlerini ile görkezmejek bolýardy*.

**ÇYLPYKLAMAKLYK**, *iş ady.* Çylpyklamak ýagdaýy.

**ÇYLPYKLANMAK**, *işl.* Çylpyk ýygnanmak, çylpykly bolmak.

**ÇYLPYKLAŞMAK**, *işl.* Gözüň gyralarynda iriňli şepbeşik ýygnanyp başlamak, çylpyk toplanyp başlamak.

**ÇYLPYKLAÝYŞ**, *iş ady.* Çylpyklamak ýagdaýy.

**ÇYLŞYRYM**, *at.* **1**. Kesgitli, anyk bolmadyk ýagdaý, bulaşyk, çolaşyk, düşünmesi kyn bolan ýagdaý. *Durmuş çylşyrymlary.* **2**. *göç.m.* Tilsim, tär, ýol, ugur. *Ol işiň çylşyrymyny alypdyr.*

**ÇYLŞYRYMLAŞDYRMAK**, *işl.* Düşünmesini, işlemesini dura-bara kynlaşdyrmak, çylşyrymly ýagdaýa salmak; çolaşdyrmak, ýönekeýligini bozmak. *Galyň gar hem-de şatlama aýazlar oba hojalygynda ýagdaýy çylşyrymlaşdyrdy.*

**ÇYLŞYRYMLAŞMA**, *iş ady.* Çylşyrymlaşmak ýagdaýy, çylşyrymly ýagdaýda bolmak.

**ÇYLŞYRYMLAŞMAK**, *işl.* **1**. Düşünmesi, anyklanmasy kem-kemden kynlaşmak, çylşyrymly bolup başlamak, ýerine ýetirmesi ýönekeýden çylşyrymly ýagdaýa geçmek. *Iş ýagdaýy barha çylşyrymlaşýar.* **2**. Kesel beterläp, öte geçip agyrlaşmak. *Aşgazanyň baş keseli çylşyrymlaşyp, garyn boşlugyna ýarylypdyr.*

**ÇYLŞYRYMLAŞMAKLYK**, *iş ady.* Çylşyrymlaşmak ýagdaýy.

**ÇYLŞYRYMLAŞYBERMEK** [çylşyrymlaşyvermek], *işl.* Çylşyrymly bolup başlamak, çözmesi kynlaşybermek.

**ÇYLŞYRYMLY**, *syp.* **1**. Ýönekeý däl. *Çylşyrymly ýagdaý.* **2**. Düşünmesi, anyklanmasy, çözmesi kyn. *Çylşyrymly mesele.*

**ÇYLŞYRYMLYLYK**, *at.* Düşünmesi, anyklanmasy kynlyk, bulaşyklyk; çolaşyklyk. *Onsoňam bu ýeriň gurluşynyň çylşyrymlylygyny göz öňünde tutmaly.*

**ÇYLŞYRYMSYZ**, *syp.* Çylşyrymly däl. *Aýdym aýtmak oňa çylsyrymsyz, ýönekeý zat ýaly bolup göründi* (N.Saryhanow).

**ÇYM**, *Ak, gyzyl* sypatlarynyň öňünden gelýän güýçlendiriji ownuk bölek; dym. *Ol etmişine utanyp, çym gyzyl boldy*.

**ÇYM-PYTRAK** [çym-pytyrak]: **çym-pytrak bolmak** döwülmek, owram-owram bolmak, kül-uşak bolmak. *Käse ýere gaçdy-da, çym-pytrak boldy*. **Çym-pytrak etmek 1)** kül-uşak etmek, kül etmek, döwmek. *Daşardan zyňlan daş aýnany çym-pytrak etdi*. **2)** dargatmak, ýok etmek.

**ÇYMÇYK**, *at.* Serçe.

◊ **Çymçyk ýaly** hor, ejiz; müçesi kiçijik (adam hakynda).

**ÇYMYLGAN** [çymylğan] **I**, *at.* Ýere ýazylyp ösýän, baldaklyja bir ýyllyk ot.

**ÇYMYLGAN** [çymylğan] **II**, *at, kön.s.* Ýumşak düşekçe. *Bir adam çymylganda... ýatansoň, özüne gezek geldi* ("Görogly").

**ÇYN I**, *syp.* Hakykata dogry gelýän, ýasama däl, hakykat, hakyky. *Çyn dost. Çynyňy aýtmak.* **Çyna berimsiz** edil çyn ýaly, bir kemsiz, hakyky zat ýaly edilip aýdylan (ýalan söz hakynda). *Ol görmedik, eşitmedik zatlaryny çyna berimsiz edip gürrüň berýärdi*. **Çynyňy etmek** bir işi ýerine ýetirmek üçin çynlakaý ýapyşmak. *Berekella, çynyňy etseň biljek-le* (T. Jürdekow).

**ÇYN II**, *syp.* Çynda, Hytaýda ýasalan. *Çyn käsesi*.

**ÇYNAR** [çyna:r], *at.* **1**. Penjepisint uly hem gür ýaprakly, gögümtil-çal reňkli, gabykly dik ösýän agaç. *Bu äpet çynar, dogrudanam, ýöne agaç däl eken* ("Edebiýat we sungat"). *Çagalar sagaldyş meýdançasyna bezeg berip oturan bu çynar, aýtmaklaryna görä, şu ýyl 785 ýaşapdyr* ("Türkmenistan"). **2**. Adam ady.

**ÇYNARLYK** [çyna:rlyk], *at.* Çynaryň köp ösüp oturan ýeri, çynary köp bolan ýer. *Olar çynarlykdan aňyrda düşlediler.*

**ÇYNÇY**, *syp.* Dogrusyny, hakykaty aýtmagy gowy görýän, ýalan sözlemeýän, hakykatçy. *Mydama çynçy bolgun!*

**ÇYNGARTMAK** [çynğartmak], *işl.* Çyndan ugruna çykmak; bir işe çynlakaý ýapyşmak, çynyrgatmak. *Işi çyngartmasak boljak däl.*

**ÇYNLAKAÝ**, *hal.* **1**. Ýürek bilen, çyny bilen, çyndan. *Işe çynlakaý ýapy*şmak. **2**. Düýpli, jogapkärçilikli çemeleşmegi talap edýän. *Türkmenistanyň oba hojalygynyň öňünde durýan çynlakaý wezipeler*.

**ÇYNLYK**, *at.* Çyn, hakyky, dogry ýagdaýda bolmaklyk.

**ÇYNTYKLAŞMAK**, *işl.* Biri-biriniň boýnunyň ýüzüni dişleşip gaşanyşmak (at, eşek ýaly haýwanlar hakynda). *Myraly gatyrlaryň hynçgyryşyp, biri-birine çyntyklaşmagyna syn edipdir* ("Myraly").

**ÇYNYRGAMAK** [çynyrğamak], *işl.* Çyna, hakykata öwrülip başlamak, çyn bolup ugramak. *Görşüň ýaly, iş çynyrgaýar.*

**ÇYNYRGATMAK** [çynyrğatmak], *işl.* Çyn ýagdaýa getirmek, hakykata ýakynlatmak, çyngartmak. *Sen gitjek-gitjegiňi çynyrgadyp ýörsüň-ow*.

**ÇYŇKYRMAK**, *işl.* Urulmak, dalanmak sebäpli yzly-yzyna inçe ses çykarmak, çyňsamak, waňkyrmak (it hakynda). *Taýak iýen köpek çyňkyryp, ýom-ýok boldy*.

**ÇYŇKYRMAKLYK**, *iş ady.* Çyňkyrmak ýagdaýy.

**ÇYŇKYRTMAK**, *işl.* Çyňkyrmaga mejbur etmek. *Näme ol janaweri çyňkyrdyp dursuň?*

**ÇYŇKYRYŞ**, *iş ady.* Çyňkyrmak ýagdaýy.

**ÇYŇKYRYŞMAK**, *işl.* Ýerli-ýerden birnäçe bolup çyňkyrmak. *Güjüjekler çyňkyryşyp ugradylar.*

**ÇYŇKYRYŞYBERMEK** [çyňkyryşyvermek], *işl.* Çyňkyryşyp başlamak.

**ÇYŇSAMA**, *iş ady.* Çyňsamak ýagdaýy.

**ÇYŇSAMAK**, *işl.* Belli bir sebäbe görä inçejik, naýynjar ses çykarmak (it hakynda). *Daňylgy köpek çyňsap başlady.*

**ÇYŇSAŞMAK**, *işl.* Ýerli-ýerden bilelikde çyňsamak.

**ÇYŇSATMAK**, *işl.* Çyňsamaga mejbur etmek. *Ony beýle çyňsatma-da, ugruna seret.*

**ÇYŇSAÝYŞ**, *iş ady.* Çyňsamak ýagdaýy.

**ÇYP**, Sypatlaryň öňünden gelýän güýçlendiriji ownuk bölek, çuw. *Çagalar çyp ýalaňaç bolup, suwa girdiler.*

**ÇYPAR**, *syp.* **1**. Saryýagyz ýüzüni gyzgylt sary menekler tutan, örten. **2**. Gyzylymtyl sary, sargylt, sargylt ak. *Telpeginiň eteginden onuň gyraw baglan çypar saçlary çogup çykyşyp durdy* ("Edebiýat we sungat").

**ÇYPARLYK**, *at.* Çypar halda, çypar reňkde boluş.

**ÇYPDYRMA**, *iş ady.* **1**. Çypdyrmak ýagdaýy. **2**. *at.* Ýalan, toslama, çyn, hakykat däl. *Çypdyrma söz*.

**ÇYPDYRMAK**, *işl., gepl.d.* Ýalan sözlemek, ýalan, toslama söz aýtmak. *Agzyna gelenini samrap çypdyryp dur*.

**ÇYPDYRMAKLYK**, *iş ady.* Çypdyrmak ýagdaýy.

**ÇYPDYRYŞ**, *iş ady.* Çypdyrmak ýagdaýy. *Onuň çypdyryşy ýapa degenokdy.*

**ÇYPLAK**, *hal.* **1**. Sowuk howada ýeňil geýnen, egni ýuka geýimli, çyplaň. *Çyplak çykyp öýkeniňi sowuklatma*. **2**. *göç.m.* Ýalaňaç, geýimsiz. *Ne bela sen, adamzat, Çyplak dogduň, don gerek* (Magtymguly).

**ÇYPLAKLYK**, *at.* Ýeňil geýnenlik, ýuka eşiklilik.

**ÇYPLAŇ**, *hal, ser.* **Çyplak**. *Çyplaň derekler güýzüň ilkinji alamatlaryna başlaryny yrap otyrdy* ("Türkmenistan").

**ÇYPLAŇLYK**, *at, ser.* **Çyplaklyk**.

**ÇYRA**, *at.* Dürli görnüşli we gurluşly ýangyç ýa-da tok arkaly ýanyp, yşyk, ýagtylyk berýän enjam. *Ýöräp barşyma ýoluň ugrunda ak çyralara gözüm düşdi* ("Türkmenistan").

**ÇYRADAN** [çyrada:n], *at, kön.s.* Çyranyň aşagynda goýulýan esbap.

**ÇYRAG** [çyra:ğ], *at, şahyr., ser.* **Çyra**. *Hak ýakan çyragyň öçmesin* (Alkyş).

◊ **Çyragyň öçmek (sönmek)** iň oňat görýän ýakyn adamyň aradan çykmagy, ölmegi; durmuşyň ýykylmagy, bagtyň ýatmagy. *Taýly çyragym söndi, Galdym weýran dünýäde* (Halk aýdymy).

**ÇYRAGLANDYRMAK** [çyra:ğlannyrmak], *işl., şahyr.* Şöhle saçmak, ýagtylandyrmak, ýagtyltmak.

**ÇYRAÝ** [çyra:ý], *at, kön. s.* Ýüz. *Tiliňi hoş, çyraýyňy ýylyk kyl* (Sopy Allaýar).

**ÇYRAÝLY** [çyra:ýly], *syp.* Gelşikli, owadan. *Şol jogabyň yzysüre oraçadan otuz ýaşlar çemesindäki görmegeý, çyraýly gelin çykdy* (A. Gowşudow).

**ÇYRAZ** [çyra:z], *at.* Günüň saçýan şöhlesi. *Gün çyrazlaryny uzadyp ýere, Bezeýär meýdany güneşe, nura* (N. Pomma).

**ÇYRAZY** [çyra:zy], *syp. gepl.d.* Çal reňkli garaköli bagananyň bir görnüşi we şol baganadan tikilen telpek. *Mämmedalynyň başynda zürrük çyrazy telpegi bardy* (B. Soltannyýazow).

**ÇYRÇYK**, *at.* Çaga degýän ýeňiljek keselleriň umumy ady, dümew, ýoň.

**ÇYRÇYKLAMA**, *iş ady.* Çyrçyklamak ýagdaýy.

**ÇYRÇYKLAMAK**, *işl.* **1**. Ýeňiljek syrkawlamak, ýoňlamak, nähoşlamak (köplenç, çaga hakynda). *Çyrçyklamda ýüplük ýaly igläpdim, Maňa öz ganyňdan siňdiripsiň sen* (B. Hudaýnazarow).

**2**. *göç.m.* Arryklamak, gurby, taby gaçmak. *Ýeriň çyrçyklasa, kül dök!* (Atalar sözi).

**ÇYRÇYKLATMAK**, *işl.* Nähoşlatmak, ýoňlatmak. *Sowuk howada çagaňy çyrçykladarsyň.*

**ÇYRÇYKLAMAKLYK**, *iş ady.* Çyrçyklamak ýagdaýy.

**ÇYRÇYKLAÝYŞ**, *iş ady.* Çyrçyklamak ýagdaýy.

**ÇYRÇYKLY**, *syp.* Häli-şindi näsaglap duran, kesel ýokuşagan (çaga hakynda). *Başda çyrçyklydy doganda çaga* (A. Kekilow).

**ÇYR-ÇYR: çyr-çyr çyrlamak** *ser.* **Çyrlamak**. *Aýazyň awusy tenine ornan çaga çyr-çyr çyrlady.*

**ÇYR-ÇYRŞAK** [çy:r-çyrşak], *hal, ser.* **Çyrşak**. *Olaryň geýimleri üzüm şireleri bilen çyr-çyrşak bolan iş geýimleridi* (A. Gowşudow).

**ÇYR-ÇYRŞAKLYK** [çy:r-çyrşaklyk], *at.* Hapa ýagdaýda bolmaklyk, çyrşak halda; kirli bolmak.

**ÇYRLA**, *at.* Ýagyş suwuny ýygnamak üçin takyrlarda gazylýan guýy.

**ÇYRLAMA**, *iş ady.* Çyrlamak ýagdaýy. *Onuň çyrlamasyna düşünmedim.*

**ÇYRLAMAK**, *işl.* Çyr-çyr aglamak, çirkin ses bilen aglamak.

**ÇYRLAMAKLYK**, *iş ady.* Çyrlamak ýagdaýy.

**ÇYRLAŞMAK**, *işl.* Ýerli-ýerden, yzly-yzyna aglaşmak, birnäçe bolup çyrlamak. *Çagalary çyrlaşýardylar.*

**ÇYRLAŞYK**, *at.* Yzanda-çuwanlyk, uly gykylyk, köpçülikleýin çirkin sesli agy, yzlaşyk. *Yzymyzdakylar uly çyrlaşyk boldular.*

**ÇYRLATDYRMAK**, *işl.* Başga birine çyrlatmaga, aglatmaga mümkinçilik bermek.

**ÇYRLATMAK**, *işl.* Çyr-çyr aglatmak, aglamaga mejbur etmek. *Ol ýekeje gyzyny çyrladyp gitdi.*

**ÇYRLAÝYŞ**, *iş ady.* Çyrlamak ýagdaýy. *Onuň çyrlaýşy ýüregiňi awadýardy.*

**ÇYRMAMA**, *iş ady.* Çyrmamak ýagdaýy.

**ÇYRMAMAK**, *işl.* **1**. Bir zadyň daşyna çolamak, orap almak, dolamak. *Çyrma, dostum, dal gerdene ak goluň* (Şabende). **2**. Agajyň aşaky şahalaryny, ösüntgilerini kesip aýyrmak, pudamak. *Almanyň aşagyny çyrmamak.* **3**. *gepl.d.* Ýazmak, çyrşamak. *On setir "goşgyny" kagyza çyrmap, Ili ýüz setirlik azara goýduň* (M. Seýidow).

**ÇYRMAMAKLYK**, *iş ady.* Çyrmamak ýagdaýy. *Söýgi hakda iki setir çyrmamaklyk ýoň bolupdyr.*

**ÇYRMAŞMAK**, *işl.* **1**. Bir zadyň daşyna çolaşmak, oralmak, dolaşmak. *Çyrmaşyp ösýän güller ýazyna meýdançanyň öňüni tutýar weli, allanäme kölege bolýar* ("Türkmenistan"). **2**. Agaçlaryň artyk şahalaryny kesişmek. **3**. *göç.m.* Çyrmamaga, ýazmaga kömek etmek. *Ertirki çykyşymy çyrmaşsana.*

**ÇYRMAŞYK**, *at.* Ot-çöplere çolaşyp, çyrmaşyp ösýän haşal ot. *Topalakdyr semzek orduk, Çyrmaşykdyr peçek ýygdyk* (K. Taňyrgulyýew).

**ÇYRMATMAK**, *işl.* Çyrmamak işini başga birine etdirmek.

**ÇYRMAÝYŞ**, *iş ady.* Çyrmamak ýagdaýy. *Baglarda çyrmaýyş işleri geçirildi.*

**ÇYRPDYRMAK** [çyrypdyrmak] **I**, *işl.* Çyrpmak işini başga birine etdirmek, çyrpmaga mejbur etmek, çyrpmaga mümkinçilik bermek. *Üzüm çybyklaryny çyrpdyrmak.*

**ÇYRPDYRMAK** [çyrypdyrmak] **II**, *işl.* Geýimleri arassa suwa saldyrmak, arassa suwda durlatmak. *Ol gyzyna ýuwan geýimlerini çyrpdyrdy.*

**ÇYRPMA** [çyrypma], **1**. *iş ady.* Çyrpmak ýagdaýy. **2**. *at.* Gök ýaprakly üzüm çybyklarynyň ujundan çyrpylyp, kesilip alnan bölegi. *Düýäniň öňüne bir goltuk çyrpma dökdi.*

**ÇYRPMAK** [çyrypmak] **I**, *işl.* Ýapraklap oturan gök çybygyň ujundan kesmek, kesip aýyrmak, çürtmek. *Gowaçalary çyrpmak. Üzüm çyrpmak.*

**ÇYRPMAK** [çyrypmak] **II**, *işl.* Ýuwulýan eşigi we ş.m. arassa suwda durlamak.

**ÇYRPY**, *at.* Kellä atylýan, hemme ýeri keşdelenen ýeňsiz başatgyç. *Kürtedir çyrpylar, garaz, türkmen zenanyň zehin bilen döreden zatlarynyň ählisi bu öýleriň içini bir baý muzeýe ogşadýar* ("Edebiýat we sungat")

**ÇYRPYLMAK I**, *işl.* Çyrpmak, çürtmek işi geçirilmek, öseri aýrylmak. *Han ujy çyrpylan sakgalyny eliniň aýasy bilen owkalady* (A. Gowşudow). *Ol gowaça otalýarka, ujy çyrpylýarka gaýra durmady* (N. Pomma).

**ÇYRPYLMAK II**, *işl.* Arassa suwa salynmak, suwda durlanylmak. *Suwa çyrpylan geýimleri ýüpe serip guratmak gerek.*

**ÇYRPYLYK**, *syp.* Çyrpy tikmek, bejermek üçin gerekli (mata).

**ÇYRPYM**, *at.* Gowaça we ş.m. ekinleriň ujuny, öserini çyrpmak işi. *Pagtadan ýokary hasyl almak üçin ekişini, çyrpymyny wagtynda berjaý etmeli* (B. Gurbanow).

**ÇYRPYNMAK**, *işl.* **1**. Abşaryp, guýrugyny tarpyldadyp esremek, esräp haýbat atmak, iki-baka urunmak (erkek iner hakda). *Çyrpynyp duran iner.* **2**. *göç.m.* Möwç almak, joşmak, tolkunlap, köpürjikläp hanasyndan çykara gelmek. *Ynha, birdenem ol akja kepderi aşakda çyrpynyp akyp ýatan derýanyň kenaryna tarap, dik başaşak kelemenläp gaýtdy-da, az salymdan ýene-de öňki katdyna bardy* ("Türkmenistan"). *Deňiz çyrpynyp ýatyr*. **3**. *göç.m.* Eýläk-beýläk urunmak, pelesaň urmak, haýbat bilen sürünmek. *Duşmanlaryň guduz açan ýaly çyrpynyp* sürünýän günleridi (A. Gowşudow).

**ÇYRPYŞDYRMAK**, *işl.* Çyrpyp çykmak, ählisini çyrpmak.

**ÇYRPYŞMA**, *iş ady.* Çyrpyşmak ýagdaýy.

**ÇYRPYŞMAK I**, *işl.* Çyrpmaga, çürtmäge kömekleşmek. *Tut çyrpyşmak.*

**ÇYRPYŞMAK II**, *işl.* Suwa salmaga kömekleşmek. *Ýuwlan geýimleri suwa çyrpyşmak.*

**ÇYRRYLDAMAK** [çyrryllamak], *işl.* Çyrryldyly ses çykarmak, çyrryldyly seslenmek. *Agşamlaryna çekirtge çyrryldaýar.*

**ÇYRRYLDAŞMAK** [çyrryllaşmak], *işl.* Birnäçe bolup ýerli-ýerden çyrryldyly ses çykarmak.

**ÇYRRYLDY** [çyrrylly], *at.* Gara çekirtgäniň aýaklaryny göwresine süýkäp çykarýan sesiniň ady.

**ÇYRŞAK**, *at.* Çyrşalan, bir ýere degen hapa, kir, çyr-çyrşak. *Ýaňaklarynda gara çyrşaklar görünýärdi* (B. Kerbabaýew).

**ÇYRŞAKLY**, *syp.* Kiri-çyrşagy bar bolan, çyrşak bilen örtülen, kir-kimirli. *Çyrşaklyny çybyn eýelär* (Nakyl). *Çyrşakly çaga.*

**ÇYRŞAMA**, *iş ady.* Çyrşamak ýagdaýy.

**ÇYRŞAMAK**, *işl.* **1**. Bir zada hapa degirmek, çala hapalamak. *Köýnegiňe gawunyň şiresini çyrşamak.* **2**. *gepl.d.* Ýuka suwamak, suwag çekmek, emelsiz suwamak. *Palçygy tamyň ýüzüne çyrşamak.* **3**. *gepl.d.* Çalak-çulak ýazyp gutarmak, howul-hara ýazmak. *Ol eýýäm on bir sahypany çyrşapdy* (G. Kulyýew).

**ÇYRŞAMAKLYK**, *iş ady.* Çyrşamak ýagdaýy.

**ÇYRŞAŞDYRMAK**, *işl.* **1**. Suwuklygy başga bir zadyň ýüzüne çyrşap çykmak, çalyşdyryp çykmak. **2**. *göç.m.* Kagyzyň we ş.m. zadyň ýüzüne ýazyp çykmak, ugurly-ugursyz çyzyşdyrmak. *Kagyza gör nämelerdir çyrşaşdyryp, maňa gaňrylyp seretdi* (N. Pomma).

**ÇYRŞAŞMAK**, *işl.* Reňk we ş.m. çalmaga kömekleşmek. *Reňk çyrşaşmak.*

**ÇYRŞATMAK**, *işl.* Çyrşamak işini birine etdirmek. *Haýatyň suwagyna gopan ýerine palçyk çyrşatmak. Birki sany sözlemi kagyza çyrşatdym.*

**ÇYRŞAÝYŞ**, *iş ady.* Çyrşamak ýagdaýy.

**ÇYRYŞ**, *at.* Dagda we gumda bitýän, soganyňka meňzeş ýaşly otjumak ösümlik. *Tabyn bolmasa-da, etinden çyryş gaýnadyp, ýagyndan sabyn ederin* (N. Pomma).

**ÇYTALAŞMAK**, *işl.* Göreşde ýeňmek, durmuşda her hili kynçylyklardan üstün çykmak üçin jan etmek, güýç sarp etmek, dyrjaşmak, çalyşmak, çytraşmak. *Çytalaşýardym, dişimi gysýardym.*

**ÇYTALAŞMAKLYK**, *iş ady.* Çytalaşmak ýagdaýy.

**ÇYTANAK**, *at.* Käbir agaçlaryň şahalaryndan gögerip çykýan ujy ýiti ösüntgi, pytanak.

**ÇYTANAKLY**, *syp.* Çytanagy, tikene meňzeş ösüntgileri köp. *Çytanakly sözen.*

**ÇYTAWUN** [çytawun], *syp.* Birneme aýazly, çigrekli, çytylyp duran. *Çytawun howanyň awusy gowşap, Pişge ýaly gar tozgalap başlady* (A. Atajanow).

**ÇYTAWUNLYK** [çytawunluk], *at.* Aýazlylyk, çigreklilik. *Howanyň çytawunlygyna garaman, tot-tozanly ýüzünden gara der akdy* (B. Kerbabaýew).

**ÇYTDYRMAK**, *işl.* Gaşyny, maňlaýyny ýygyrtmak, gasyn atdyrmak.

**ÇYTMAK**, *işl.* Ýygyrmak, bürmek, gasyn atdyrmak. *Gaşyňy çytmak.*

**ÇYTYK**, *syp.* **1**. Gaýgydan, gahardan we ş.m. ýaňa ýüz-gözi ýygrylan; gaharly. *Ýusubyň gaşlary çytykdy* (B. Soltannyýazow). **2**. *göç.m.* Bulaşyk, garalyp duran (howa hakynda). *Howa çytykdy, gar awusy bardy.*

**ÇYTYKLYK**, *at.* **1**. Gaýgy-ünjüden ýaňa ýüzüň-gözüň öz bolşunda dällik, ýygyrtlylyk, gaharlylyk. *Ýüzüniň çytyklygyna garamazdan, onuň taby oňuşmazça däldi.* **2**. Bulaşmaga, ýagmaga, sowamaga ýakynlyk, açyk dällik. *Howanyň çytyklygyny-da unudyp, ol ýeňil geýnip ugrady.*

**ÇYTYLMAK**, *işl.* **1**. Maňlaýyň, gaşyň, ýüzüň hamy ýygrylmak, gaharly keşbe girmek. *Onuň maňlaýy çytylyp, ýüzi örän aladaly göründi.* **2**. *göç.m.* Bulaşmak,

garalyp durmak, bulaşyk ýagdaýa geçmek (howa hakynda). *Çar tarapy duman bilen gabalan gözýetim has hem çytyldy.*

**ÇYW**, *üml*. Düýe kowlanda ulanylýar.

**ÇYZDYRMAK** [çyzzyrmak], *işl.* **1**. Birine galam ýa syýa bilen çyzmagy buýurmak, çyzmagy birine tabşyrmak. *Okuwçylara oturgyjyň şekilini çyzdyrmak.* **2**. Bir zada bir ýeriňi çala ýaralatmak, çyzyk ýaly çylgym etdirmek, sypjyrtmak.

**ÇYZGALMAK** [çyzğalmak], *işl.* **1**. Ýokarlygyna galdyrylmak, çekilmek. *Ýalaňaç aýagy dyzyna çenli çyzgalan oglan suwa girip gitdi.* **2**. *göç.m.* Agajyň aşaky şahalary kesilmek, ýokarky şahalary öser ýaly pudalmak. *Tut kemsiz çyzgalypdyr.*

**ÇYZGAMA** [çyzğama], *iş ady.* Çyzgamak ýagdaýy.

**ÇYZGAMAK** [çyzğamak], *işl.* **1**. Ýokarlygyna galdyrmak, çekmek (ýeň, don we ş.m.). *Ynha, bu günem ýygymçylar säher bilen gollaryny çyzgap, işe başlapdyrlar* ("Türkmenistan"). **2**. Agajyň ýere ýakyn şahalaryny aýyrmak, ýokarky şahalary güýçlener ýaly aşaky şahalary kesmek. *Agajyň aşagyny çyzgasaň, şemal güýjän ýaly bolaýýar.*

**ÇYZGAMAKLYK** [çyzğamaklyk], *iş ady.* Çyzgamak ýagdaýy.

**ÇYZGANMAK** [çyzğanmak], *işl.* **1**. Öz geýen geýimiň – köýnegiň ýeňini, balagyň gonjuny ýokary çekmek, çäkmeniň iki syýyny biri-birine daňyp, biliň deňine çenli ýokaryk galdyrmak. **2**. *göç.m.* Bir iş ýerine ýetiriljek bolnanda tijenmek, ykjamlanmak. *Näme beýdişip çyzganyp başladyňyz?*

**ÇYZGANYŞMAK** [çyzğanyşmak], *işl.* Ýerli-ýerden, köplük bolup häzirlenmek, tijenmek. *Näme beýle çyzganyşyp dursuňyz?*

**ÇYZGAŞMAK** [çyzğaşmak], *işl.* **1**. Bilelikde ýerli-ýerden çyzgamak. *Çyzgaşyp iki golun, Nahar çekdi gyz-gelin* (N. Pomma). **2**. Çyzgamaga kömekleşmek. *Men oňa almalary, şetdalylary çyzgaşdym.*

**ÇYZGATMAK** [çyzğatmak], *işl.* Çyzgamak işini başga birine etdirmek, çyzgamaga mejbur etmek. *Ýeňiňi çyzgatmak.*

**ÇYZGAÝYŞ** [çyzğaýyş], *iş ady.* Çyzgamak ýagdaýy.

**ÇYZGY** [çyzğy], *at.* Bir zadyň bellenen düzgün boýunça ýerine ýetirilen şertli çyzykly şekili, çyzyk görnüşindäki ülňi. *Annagylyç çyzga seretdi* (Ş. Borjakow).

**ÇYZGYÇ** [çyzğyç], *at.* Çyzyk çyzmak üçin ýüzi santimetrlere, millimetrlere bölünen ýasyja hem uzyn, göni tagtajyk. *Ol çyzgyç bilen çyzgy çyzýardy.*

**ÇYZMA**, *iş ady.* Çyzmak ýagdaýy.

**ÇYZMALY**, *syp.* Çyzgyda şekili görkezilen, taýýarlanan, çyzylan. *Çyzykly geometriýa.*

**ÇYZMAK**, *işl.* **1**. Çyzyk çekmek, çyzyk geçirmek. **2**. Bir zadyň çyzgysyny taýýarlamak, çyzgyda şekilini görkezmek. *Onsoň edilmeli işleriň çyzgysyny çyzaly* (B. Seýtäkow). **3**. Bir zat bir ýeriňi sypjyryp yz galdyrmak; ýüzleý ýaralamak. *Gyssanyp çabalanan itiň dyrnaklary Myradyň bileginden bir-iki ýerini çyzypdyr* (A. Gowşudow). **4**. Kagyzyň ýüzüne ýazylan atlardan birini çyzyk arkaly öçürmek; şol ada garşy bolmak. *Býulletende goldaýan adamyň adyndan beýlekileriniň adyny çyzmak.*

**ÇYZMYK**, *at.* Ýasyrak çyzyk şekilli zolak.

**ÇYZMYKLY**, *syp.* Çyzmygy bar bolan, çyzmyksyz däl. *Çaryguly bolsa gurama kürtekçeleriniň üstünden gök çyzmykly hywa donuny geýip, possunyny-da ýelbegeý atynypdyr* (N. Pomma).

**ÇYZUW**, *at.* **1**. *ser.* **Çyzgy**. *Çyzuw işleri*. **2**. Mekdeplerde dürli şekilleri çyzyklar arkaly görkezmegi öwredýän sapak. *Çyzuw sapagyndan bolsa ol gaty ökdedi.*

**ÇYZYBERMEK** [çyzyvermek], *işl.* Çyzyk çekip başlamak.

**ÇYZYK**, *at.* Bir zadyň ýüzüne çekilen zolak yz, galam ýa-da syýa bilen geçirilen inçejik zolak, çylgym. *Ol aşagyna çyzyk çekilen setirleri görkezdi* (G. Kulyýew).

◊ **Çyzyk atmak** çyzyk çekilen ýaly bolup ýarylmak, çat açmak, çyzylmak. *Jaýyň sag diwary çyzyk atypdyr.*

**ÇYZYK-ÇYZYK**, *at.* **1**. Ýüzi çyzym-çyzym edilen. *Kitabyň daşy çyzyk-çyzyk edilipdir*. **2**. Ýüzünden birnäçe çyzyk geçirilen, zolak-zolak çyzyk.

**ÇYZYKLY**, *syp.* **1**.Ýüzüne çyzyk çekilen. *Çyzykly kagyz.* **2**. Çyzyk şekilli, çyzyk görnüşli. *Çyzykly geometriýa.*

**ÇYZYLMAK**, *işl.***1**. Ýüzünde çyzyk geçirilmek, biri tarapyndan çyzyk edilmek; bozulmak, üsti çyzylyp, güýçsüz hasap edilmek. *Jaýyň çyzgysy täzeden çyzyldy.* **2.** Teniňi sypjyrdyp yz galdyrmak. **3**. Goza açylmazyndan öň onuň daşyndaky sallarynyň sepiniň arasy giňelşip, ak çyzyk ýaly bolup, içindäki pagtasy görünmek. *Ýüzi çyzylan gozanyň açyljak güni daşda däl*.

**ÇYZYLYSMAK**, *işl.* Gozalar açylmazyndan öň kem-kemden çyzyk görkezmek. *Iki-ýeke gozalar çyzylyşyp başlapdy* (R. Allanazarow).

**ÇYZYM**, *at.* Inçe ýüp. *Gözüne görnen möjegi ok bilen urup, çyzyma düzüberdi* ("Görogly").

**ÇYZYM-ÇYZYM**, *at, ser.* **Çyzyk-çyzyk**.

**ÇYZYŞDYRMAK**, *işl.* **1**. Ýüzüni çyzym-çyzym etmek, çyzyk-çyzyk etmek, çyzyp çykmak. *Elindäki galamy çyzyşdyryp oturan kagyzynyň üstüne oklap goýberdi* (B. Pürliýew). **2**. *gepl.d.* Hat ýazmak; şekil, surat çekmek. *Ak kagyza bir zatlar çyzyşdyrdy* ("Mugallymlar gazeti").

**ÇYZYŞMAK**, *işl.* **1**. Çyzmaga kömekleşmek. *Çyzgy çyzyşmak.* **2**. Bile çyzmak, birnäçe bolup çyzmak. *Çagalar gara ýola her hili çyzyk çyzyşyp oýnap ýörler.*

# D

**D**, Türkmen elipbiýiniň dördünji harpy.

**– DA**, "Hem" manysynda gelýän ugurdaşlygy görkezýän baglaýjy kömekçi. *Kakasy Aşyra-da, Ýusuba-da, Aka-da täze köwüş alyp berdi.*

**– DA** [da:], Goşulan sözüne güýçlendiriji many berýän kömekçi, ownuk bölek. *Aý, bolsa-da atlara, oglanlara azyk puly bolar-da* ("Görogly").

**DABALABERMEK** [da:vala:vermek], *işl.* Dabalap ugramak, dabalap başlamak. *Düýäniň häsiýeti şeýle, burnuna ýel düşse, çem geleni dabalaberýär.*

**DABALAMA** [da:valama], *iş ady.* Dabalamak ýagdaýy.

**DABALAMAK** [da:valamak], *işl.* Aýak astyna alyp basalamak, basgylamak (düýe hakynda). *Burnuna ýel düşen düýe öňünden çem gelen zady dabalap barýar.*

**DABALAMAKLYK** [da:valamaklyk], *iş ady.* Dabalamak ýagdaýy.

**DABALAMAZLYK** [da:valamazlyk], *iş ady.* Aýak astyna alyp basalamazlyk.

**DABALATMAK** [da:valatmak], *işl.* Dabalamaga mejbur etmek; dabalamaga mümkinçilik bermek.

**DABALAÝYŞ** [da:valaýyş], *iş ady.* Dabalamak ýagdaýy.

**DABAN** [da:van], *at.* **1**. Aýagyň tutuşlygyna ýere basýan aşak ýüzi. *Daga çyksaň hem dabanyňy gözläp gez* (Nakyl). *Nesimini dabanyndan soýdular* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Ujypsyzja meýdan, çäk. *Esgerler her daban ýeri güzap bilen geçýärdiler* (A. Nazarow). **3**. Ölçeg. *Ol çäji dikeldip, daşyny dabanlady, segsen bäş daban çykdy* (B. Kerbabaýew).

◊ **Daban azaby** çekilen zähmet we oňa düşýän hak. *Emma dünýäde öz daban azabymdan önen çörek ýaly lezzetli çörek göremok* (A. Gowşudow). **Daban etini iýmek** biriniň azabyny, zähmetini özüňe geçirmek, ondan peýdalanmak. **Dabanyňa (aýagyňa) köz (ot) basylan ýaly bolmak** allaniçiksi bolmak, ör-gökden gelmek, aljyraňňylyga düşmek, gyssagly ýagdaýda bolmak. *Ýöne şu Bibiniň ady tutuldy welin, edil dabanyňa köz basylan ýaly-ha boldy* (A. Nazarow). **Dabanyň düşmek 1)** aýlanyp-aýlanyp ýadamak, köp ýöräp halys bolmak, aýagyň guramak, halys bolmak. *Şähere aýlanyp dabanym düşdi.* **2)** bir ýere barmak, gelmek, bir ýerde bolmak. *Jepbar horazyň dabany Aşgabada düşüpdir* (B. Kerbabaýew). **Daban ýalamak** ýaranjaňlyk etmek, ýallaklamak.

**DABANAKLABERMEK** [davanakla:vermek], *işl.* Dabanaklap ugramak, dabanaklap başlamak. *Dabanaklaberdiler welin, janawarlara bir zad-a boldy.*

**DABANAKLAMA** [davanaklama], *iş ady.* Dabanaklamak ýagdaýy. *Bu haýwanlaryň dabanaklamasy ýöne ýerden dälmikä diýýärin.*

**DABANAKLAMAK** [davanaklamak], *işl.* Iki-baka patyrdyklap, patanaklap çapmak.

**DABANAKLAŞMAK** [davanaklaşmak], *işl.* Dabanaklamak hereketini birnäçe bolup ýerine ýetirmek. *Düýeler dabanaklaşyp, suwa indiler.*

**DABANAKLATMAK** [davanaklatmak], *işl.* Dabanaklamaga mejbur etmek, dabanaklamaga mümkinçilik bermek. *Düýeleri dabanakladyp, at öňüne salyp kowdular.*

**DABANAKLAÝYŞ** [davanaklaýyş], *iş ady.* Dabanaklamak ýagdaýy. *O janawarlaryň dabanaklaýşyny bir görsene!*

**DABANLABERMEK** [da:vanla:vermek], *işl.* Dabanlamaga başlamak. *Kölegäňi dabanlaberseň, wagtyň näçeräk bolandygyny bilse bolar.*

**DABANLAK** [da:vanlak], *syp.* Uly, ýasy dabanly.

**DABANLAMA** [da:vanlama], *iş ady.* Dabanlamak ýagdaýy.

**DABANLAMAK** [da:vanlamak], *işl.* Daban basyp ölçemek.

**DABANLAMAZLYK** [da:vanlamazlyk], *iş ady.* Daban basyp ölçemezlik.

**DABANLAŞMAK** [da:vanlaşmak], *işl.* **1**. Birine dabanlamaga kömekleşmek. **2**. Birnäçe bolup bilelikde dabanlamak.

**DABANLATMAK** [da:vanlatmak], *işl.* Dabanlamak işini başga birine ýerine ýetirtmek; birini dabanlamaga mejbur etmek; birine dabanlamaga mümkinçilik bermek. *Jaýyň uzynlygyny dabanladyp ölçetmek.*

**DABANLAÝYŞ** [da:vanlaýyş], *iş ady.* Dabanlamak ýagdaýy.

**DABARA** [davara], *at.* **1**. Bir wakanyň şanyna geçirilýän uly baýram, tomaşa, şowhun. *Emma uzak çekmän beýle dabara, Gyz gaýdyp gidensoň kesildi ara* (A. Kekilow). **2**. Joşgunly ruhubelentlik, şadyýanlyk, göçgünlik. *Ol öz sözüni dabara bilen gutardy* (B. Kerbabaýew). **3**. At-abraý, at, taryp, şöhrat, şan-şöhrat. *Gallaçylaryň dabarasy ýurda ýaýrady.*

◊ **Dabara düşmek** geň galdyrýan habar ýaýramak. *Bir kiçijik oglan şeýle bir uly iş bitiripdir diýip, il içine dabara düşdi* (A. Gowşudow). **Dabarasy dag aşmak** köp ýere ady ýaýramak, şan-şöhraty jahana dolmak. *Joşýar, zähmetde joşýar, Dabarasy dag aşýar* (Aýdymdan). *Türkmen atlarynyň dabarasy dag asýar.*

**DABARALAMA** [davaralama], *iş ady*. Dabaralamak ýagdaýy.

**DABARALAMAK** [davaralamak], *işl.* **1**. Tarypyny ýetirmek, arşa çykarmak. *Daýhanlara dabaralap sylag gowşurdylar.* **2**. Hormatlamak, hezzetlemek. *Myhmany dabaralap garşy aldylar.*

**DABARALANDYRMAK** [davaralannyrmak], *işl.* **1**. Şöhratlandyrmak, wasp etmek. *Magtymguly şygyrlarynda mert ýigitleri ussatlyk bilen dabaralandyrýar.* **2**. Haýbatlandyrmak; mazamlamak. *Gulman öz ýanyndan "Ylýas töre paýtunynyň jaňyny dabaralandyryp gelýär" diýip oýlandy* (A. Gowşudow).

**DABARALANMA** [davaralanma], *iş ady.* At-abraýy göterilmek ýagdaýy. *Bitaraplyk syýasatynyň dabaralanmasy.*

**DABARALANMAK** [davaralanmak], *işl.* **1**. Durmuşda öz ornuny eýelemek, üstün çykmak, ýeňmek, makul bilinmek. **2**. At-abraýy göterilmek, taryplanmak, şöhratlanmak.

**DABARALY** [davaraly], *syp.* **1**. Şatlykly, şowhunly, göçgünli, tomaşaly, joşgunly. *Toý dabaraly geçdi.* **2**. Ýeňişli, üstünlikli. *Dabaraly ýöriş.* **3**. Belent, ynamly. *Dabaraly kasam.*

**DABARALYRAK** [davaralyra:k], *syp.* Belli derejede dabaraly, azda-kände dabaraly.

**DABARASYZ** [davarasyz], *syp.* Şatlyksyz, şowhunsyz, göçgünsiz, tomaşasyz, joşgunsyz. *Toýlarymyz dabarasyz geçmeýär.*

**DABY-DABY** [davy-davy], *syp. gepl.d.* Ýaýran, aýdylýan (gep-gürrüň hakynda). *Il içinde daby-daby gürrüň bar.*

**DABYRABERMEK** [da:vyra:vermek], *işl.* Dabyrap ugramak, dabyramaga başlamak. *Atlylar birden dürli tarapa dabyraberdiler.*

**DABYRAMA** [da:vyrama], *iş ady.* Dabyramak ýagdaýy.

**DABYRAMAK** [da:vyramak], *işl.* Iki ýana at salmak, batly ýöremek, hereket etmek. *Gelin dabyrap geçmesin gaýyn atań duşundan* (K. Gurbannepesow).

**DABYRAMAKLYK** [da:vyramaklyk], *iş ady.* Dabyramak ýagdaýy.

**DABYRAMAZLYK** [da:vyramazlyk], *iş ady.* Iki ýana at salmazlyk, batly gadam urmazlyk.

**DABYRAŞMAK** [da:vyraşmak], *işl.* Birnäçe bolup bilelikde dabyramak, at üstünde çapyp ýa-da bilelikde haýdap gelmek, barmak. *Daýhanlar: "Goza maňa ýetmedi-de, maňa ýetmedi" diýşip, iki ýana dabyraşdylar* (A. Durdyýew).

**DABYRATMAK** [da:vyratmak], *işl.* **1**. Dabyramak hereketini etdirmek. **2**. Aty çapmak, at çapyp, öwrüm etmek (gysga aralykda).

**DABYRAÝYŞ** [da:vyraýyş], *iş ady.* Dabyramak ýagdaýy. *Bedewleriň dabyraýyşlary göwnüňi göterýärdi.*

**DABYRDAMAK** [davyrdamak], *işl.* Aýaklaryny dabyrdyly seslendirip, gaty çapmak, dabyrt-dabyrt edip, badyny gowşatmazlyk. *Beýleki atlardan has öňe saýlanyp, gyr at toýhana dabyrdap geldi.*

**DABYRDAŞMAK** [davyrdaşmak], *işl.* Birnäçe ýa-da köp bolup dabyrdamak, birden köp bolup gaty çalt çapmak. *Atlylar öňki gelişleri ýaly, ýene dabyrdaşyp gitdiler* (B. Kerbabaýew*).*

**DABYRDATMAK** [davyrdatmak], *işl.* **1**. Aty dabyrdamaga mejbur etmek ýa-da mümkinçilik bermek. *Çapyksuwar gamçysyny bulaýlap, atyny dabyrdadyp sürdi.* **2**. Dabyrdyly ses çykarmak, dabyrt-dabyrt edip ses etmek.

**DABYR-DUBUR** [davyr-duvur], *at.* Abyr-zabyr, bolar-bolmaz haýbat, hemle. *Çaga kän bir dabyr-dubur edip durmaň.*

**DABYRDY** [davyrdy], *at.* Çapyp barýan atyň toýnaklaryndan yzly-yzyna çykýan sesiň ady. *Öňatlylaryň atlarynyň dabyrdysy eşidildi.*

**DABYRT-DABYRT** [davyrt-davyrt], *s. ş. aňl. söz.* Çapyp barýan atyň toýnaklaryndan yzly-yzyna çykýan ses.

**DADRAN** [dadyran], *at.* **1**. Daglyk ýerlerde bitýän, ýaşyl ýaprakly, ýogyn kökli, atanak güllüler maşgalasyna girýän, boýy 1,5 metre golaý ösümlik. *Dadranyň köki mal üçin ýokumly bolýar.* **2**.*zergärç.s.* Ýaş çagalaryň tahýasynyň depesine, kürtekçesiniň iki omzuna, döşüne, arkasyna kümüşden goşa düwme ýa-da şelpe bilen bilelikde tikilýän, alaja ýüpe gözmonjugyň arasyna düzülip, goşara hem boýna dakylýan balykgulak.

◊ **Dadran ýaly** uzyndan ýogyn (meňzetme). *Injigiňi dadran ýaly edip açyp ýörme.*

**DADYBERMEK** [da:dyvermek], *işl.* Dadyp başlamak, dadyp ugramak. *Nahary dadyberiň.*

**DADY-BIDAT** [da:dy-vi:da:t], *at, ser.* **Dady-perýat**.

**DADYLMAK** [da:dylmak], *işl.* **1**. Tagamyny bilmek üçin iýlip görülmek. **2**. Dadylyp görülmek, azajyk iýip görmek.

**DADYM** [da:dym], *at.* Çöregi, nahary we ş.m.-leri dadyp görmek ýa-da olaryň tagamyny bilmek üçin alynýan azajyk bölegi, mukdary.

**DADYMLYK** [da:dymlyk], *at.* **1**. Azajyk nahar, iýmit. *Maňa dadymlyk goýsaň bolar*. **2**. Datmak üçin goňşy-golama hödür edilýän nahar. *How, Atajan, ynha, al, şujagazy dadymlyk getirdim, alaweri!* (B. Gulow).

**DADYNMA** [da:dynma], *iş ady.* Dadynmak ýagdaýy.

**DADYNMAK** [da:dynmak], *işl.* **1**. Agzyň tagam almak, tagamyny bilmek. *Gök ot dadynan goýun.* **2**. *göç.m.* Bir zatdan peýda, haýyr görmek.

**DADYNMAKLYK** [da:dynmaklyk], *iş ady.* Dadynmak ýagdaýy.

**DADYNYŞ** [da:dynyş], *iş ady.* Dadynmak ýagdaýy.

**DADY-PERÝAT** [da:dy-perýa:t], *at.* Ahy-nala, nalaly agy, dady-bidat. *Gitmänkä, men oňa beripdim wada, şoldur salan meni dady-perýada* (A. Kekilow).

**DADYRDYM-GUDURDYM** [da:dyrdym-ğu:durdym]: *gepl.d.* Azajyk, az mukdarda (iýmit we ş.m. hakynda). *Munyň zat däl-ä, ýöne bir dadyrdym-gudurdym.*

**DADYRMA** [da:dyrma], *iş ady.* Dadyrmak ýagdaýy. *Dadyrma kemi goýlan däldir, bir jamy dolduryp eltip berdim.*

**DADYRMAK** [da:dyrmak], *işl.* **1**. Dadar ýaly azajyk mukdarda bermek. – *Ýellilere dadyranyňdan ol goňşymyza dadyranyň gowy, olar unaş bişirseler hem dadyrýarlar ahyryn – diýdi* (A. Gowşudow). **2**. *gepl.d.* Şarpyk çalmak, urmak. *Men oňa bir şarpyk dadyrdym.*

**DADYRMAZ** [da:dyrmaz], *syp.* Öz iýýän tagamyndan hödür etmeýän, hödür etmezek adam. *Heý-de, ýoldaşyna dadyrmaz adam bolarmy?!*

**DADYRTMAK** [da:dyrtmak], *işl.* Dadyrmak işini başga birine etdirmek, dadyrmaga mümkinçilik bermek. *Goňşokara dadyrtmak. Dograma dadyrtmak.*

**DADYRYBERMEK** [da:dyryvermek], *işl.* Dadyryp başlamak, dadyryp ugramak. *Al-da, goňşulara dadyryber, beýleki gazanlar hem basym taýýar bolýar.*

**DADYŞ** [da:dyş], *iş ady.* Datmak ýagdaýy.

**DADYŞDYRMAK** [da:dyşdyrmak], *işl.* Tagamlaryny bilmek üçin birnäçe zatdan azajyk iýip çykmak, dadyp görmek. *Naharlary dadyşdyryp, elini süpürdi.*

**DADYŞMAK** [da:dyşmak], *işl.* **1**. Birnäçe bolup datmak. *Miweler daşdan getirilen sowgatdyr, sizem dadyşarsyňyz-da.* **2**. Dadyp, duzuny bilişmek. *Keýgim, senem bir naharyň duzuny dadyş, bolmasa, duzy artyk düşermikä diýip gorkýaryn.* **3**. Goňşokaraly gatnaşmak, birek-birege tagam dadyrmak. *Olar biziň dadyşýan ýerimiz.*

**DADYŞYK** [da:dyşyk], *at.* Goňşokara gatnaşygy. *Ol öýkeli-kineli hem bolsa, dadyşygy kesmeýärdi.*

◊ **Dadyşykdan galmak** goňşokaraly gatnaşyk kesilmek. *Gudam pahyr bolaly bäri dadyşykdan galandyryn.*

**DAG** [da:ğ] **I**, *at.* **1**. Demir gyzdyrylyp salnan ýa-da ýarag bilen salnan tagma, belgi, nyşan. *Soňabaka gurduň endamyna dag basmaga başladylar* (A. Gowşudow). **2**. *göç.m.* Gynanç, dert, yza, ýara. *Gezen jaýyň gülzar olsun, bag olsun, Seni gören duşman bagry dag olsun* (Andalyp). *Ýüregimde daglar goýar, Daglar, ärsarynyň gyzy* (Seýdi).

**DAG** [da:ğ] **II**, *at.* Daş-töwerekden saýlanyp duran daş jynsly beýiklikler. *Dag başy dumansyz bolmaz, är başy – hyýalsyz* (Nakyl). *Daglar ýeriň myhydyr, Depe özün dag saýar* (Magtymguly).

◊ **Dag ýaly** örän uly, belent, beýik; syrdam. *Dag ýaly harman. Dag ýaly ýigit.*

**DAGABERMEK** [da:ğa:vermek}, *işl.* Dagap başlamak, dagap ugramak. *Adamyň aladalary köpelse, pikirleri hem dagaberýär.*

**DAGADYŞMAK** [da:ğadyşmak], *işl.* **1**. Dagatmaga kömekleşmek. **2**. Bilelikde dagatmak. *Olar üýşmek dersleri peliň içine dagadyşyp ýördüler*.

**DAGAMA** [da:ğama], *iş ady.* Dagamak ýagdaýy.

◊ **Dagama bilen bolmak** dagap başlamak. *Gara öýde ot ýanmasa, onuň eşikleri dagama bilen bolýar.*

**DAGAMAK** [da:ğamak], *işl.* **1**. Pytramak, dagynyk hala geçmek, ýaýramak. **2**. Hersi öz ugruna gitmek, dumly-duşa pytramak, dargamak. *Her kim öýli-öýüne dagady*. **3**. Böleklere bölünip, dagynyk ýagdaýda ýaşamak, bitewiligini ýitirmek, bölek-bölek bolmak. **4**. Köp ulanylmak bilen sandan galmak, ýyrtylmak, tüýdülip gitmek. *Onuň köýnegi dagapdyr.* **5**. Weýran bolmak, çagşamak, çaşmak.

**DAGAMAKLYK** [da:ğamaklyk], *iş ady.* Dagamak ýagdaýy.

**DAGAMAZLYK** [da:ğamazlyk], *iş ady.* Dagap gitmezlik, pytramazlyk, dagynyk hala geçmezlik, bitewi ýagdaýda bolmaklyk, abat bolmaklyk.

**DAGAŞMAK** [da:ğaşmak], *işl.* **1**. Pytraşyp gitmek, ýaýraşyp ýatmak. **2**. Kem-kemden dagamak, ýuwaş-ýuwaşdan pytraşyp gitmek, dargaşmak. *Okuwçylar öýli-öýüne dagaşyp başladylar* (A. Gowşudow). **3**. Bölünişip her haýsy bir ýerde bolmak, böleklere bölünişmek. **4**. Ýuwaş-ýuwaşdan ýyrtylyp gitmek, ýyrtylyşmak. *Kitabyň sahypalary dagaşyp başlapdyr.* **5**. Köp ulanylmak zerarly sandan galyp başlamak, bölek-bölek bolmak.

**DAGATDYRMAK** [da:ğatdyrmak], *işl.* Dagatmak işini başga birine etdirmek; dagatmaga mümkinçilik bermek. *Kärendeçi kömekçilerine atyzdaky dersleri dagatdyrdy.*

**DAGATMA** [da:ğatma], *iş ady.* Dagatmak ýagdaýy. *Märekäni dagatmaň alajyny tapmak kyn däl, bir söz ýeterlik.*

**DAGATMAK** [da:ğatmak], *işl.* **1**. Dagynyk hala getirmek, pytratmak, ýaýratmak. *Daýhanlar üýşmek dersi dagatdylar.* **2**. Kowmak, dargatmak, pytratmak. *Üýşen mähelläni dagatdylar.* **3**. Her haýsyny bir ýana ugratmak, ýollamak. *Mugallym okuwçylaryň hersini bir pele dagatdy.* **4**. Sandan galdyrmak, ýyrtmak, tüýtmek. *Köwşümi seniň ugruňda dagatdym.* **5**. Weýran etmek, çagşatmak, tozdurmak. **6**. Gutarmak,

tüketmek, sowmak; soňuna çykmak. *Dost-ýarlaryma berişdirip, ähli kitaplarymy dagatdym.*

**DAGÇAÝ** [da:ğça:ý], *at. ösüml. d.* Uzyn baldakly, däneli, çaý hökmünde ulanylýan ot.

**DAGDAN** [dağdan], *at.* **1**. Dag ýerlerinde bitýän örän gaty, berk agaç. **2**. *zergärç.s.* Gelin-gyzlaryň boýunlaryna dakynýan ýerligi kümüşden, ýüzüne hakyk gaşlary oturdylan, adam şekilinde ýasalýan bezeg şaýy (halk arasyndaky ynançlara görä üç sany mukaddes şaýyň biri hasaplanýar). **3.** Näbelli gara güýçlerden öýüňi, özüňi goramak üçin dagdan agajyndan ýonulyp ýasalýan dürli görnüşli şekiljikler (üçburç, buýnuz, pişme we ş.m.). **4**. *dokm*. Haly we haly önümleriniň gölleriniň arasyna, gyra nagşyna dagdan agajyna meňzedilip salynýan daşy aýlawly nagyş.

**DAGDANLY** [dağdanly], *syp*. Göz degmezlik üçin dagdan agajyndan ýasalan şaýy, bezegi bolan. *Dagdanly taýmaz, taýsa-da gaýmaz* (Nakyl).

**DAGDANLYK** [dağdanlyk], *syp*. Dagdan agajynyň köp biten, ösüp oturan ýeri. *Şol daglarda dagdanlyk ýerler köp.*

**DAGDY** [dağdy]**: dagdy bolmak** sähel zada tisginip, titräp durmak, dagdyrap durmak.

**DAGDYRABERMEK** [dağdyra:vermek], *işl.* Dagdyrap ugramak, dagdyrap başlamak. *Sowuk düşse endamym birhili dagdyraberýär.*

**DAGDYRAMA** [dağdyrama], *iş ady.* Dagdyramak ýagdaýy. *Maňa indi dagdyrama hem bir kesel boldy.*

**DAGDYRAMAK** [dağdyramak], *işl.* Näsaglyk, gorky, üşemek zerarly sandyramak, titremek, galpyldamak, zagyrdamak. *Ol duran ýerinde dagdyrap başlady.*

**DAGDYRAMAKLYK** [dağdyramaklyk], *iş ady.* Dagdyramak ýagdaýy.

**DAGDYRAMAZLYK** [dağdyramazlyk], *iş ady.* Bir sebäpden dagdyrap durmazlyk.

**DAGDYRAŞMAK** [dağdyraşmak], *işl.* Dagdyramak hereketini birnäçe ýa-da köp bolup ýerine ýetirmek. *Çagalar, sowukda dagdyraşyp durmaň-da, tizräk öýüňize gaýdyň!*

**DAGDYRATMAK** [dağdyratmak], *işl.* Dagdyramagyna sebäp bolmak, şert döretmek, dagdyramaga mejbur etmek. *Ata-ene wadasy Leýliniň süňňüni dagdyratdy* (G. Kulyýew).

**DAGDYRAÝYŞ** [dağdyraýyş], *iş ady.* Dagdyrap duruş. *Onuň sowukdan dagdyraýşyny gördügim özümem üşäberýän.*

**DAGLAÇ** [da:ğlaç], *syp.* **1**. Dag görnüşli, dagyňka meňzeş, dagyňky ýalyrak, dag ýeriniň häsiýetini alan, dag tebigatyna uýgunlaşan. *Ol ýer dagyň goltugynda bolany üçin, onuň meýdany-da, howasy-da, ot-çöpi-de, guş-gumrusy-da daglaç.*

**DAGLAMA** [da:ğlama], *iş ady.* Daglamak ýagdaýy. *Onuň seniň ýüregiňi beýdip daglamasy gelşikli däl.*

**DAGLAMAK** [da:ğlamak], *işl.* **1**. Gyzdyrylan demir bilen dag basmak, tagmalamak. **2**. Gyzgyn ýa-da ýiti ajy zat bilen ýakmak, bişirmek. *Gyzyl burç owurdyny daglap geçdi.* **3**. Eti, sogany we ş.m. ýagda gyzartmak, gyzardyp bişirmek. – *Dogranja etlerimi derrew daglap geleýin – diýip, ene aşhana ugrady.* **4**. Tamdyrda, otda gyzdyryp ýörite taýýarlamak (dutaryň gapagyny). *Dutaryň gapagyny daglap, perdesini baglady, kirşini sazlap, gulaklaryny towlady* ("Nejep oglan"). **5**. Tebipçilikde bedeniň agyrýan ýerine gyzdyrylan orak ujuny ýa-da demir basmak, çitnemek. *Onuň arkasyny çitnäp dagladylar.* **6**. *göç.m.* Biriniň kemçiligini, nädogry eden işini ýüzüne diýmek, ýüzüne basmak. **7**. *şahyr.* Ýaralamak. *Kesip jigerin daglaýan... Naçar gerekdir ýigide* ("Görogly").

**DAGLAMAKLYK** [da:ğlamaklyk], *iş ady*. Daglamak ýagdaýy.

**DAGLAMAZLYK** [da:ğlamazlyk], *iş ady.* Daglamak işini, hereketini etmezlik.

**DAGLANMAK** [da:ğlanmak], *işl.* **1**. Dag basylmak, gyzdyrylan demir sim bilen tagma basylmak, tagmalanmak. **2**. Etiň, soganyň ýagda gowrulmagy; janly bedeniň gyzgyn zada, oda çirkizilmegi. *Onuň gyzgyn ýaga daglanan aýaklary güp ýaly çişipdir.* **3**. Tebipçilikde käbir agyra ýa-da ýara gyzdyrylan demir simiň basylmagy. **4**. *göç.m.* Biriniň eden nädogry işi ýüzüne diýilmek, duzlanmak.

**DAGLATDYRMAK** [da:ğlatdyrmak], *işl.* Daglatmak işini başga birine etdirmek, şol işi etmäge mejbur etmek ýa-da tötänden ýakdyrmak. *Ol howlugyp sowamadyk çaýa agzyny daglatdyrdy.*

**DAGLATMAK** [da:ğlatmak], *işl.* Daglamak işini başga birine etdirmek. *Saçda kakmaç daglatmak. Ol elini gyzgyn demre daglatdy.*

**DAGLAÝYŞ** [da:ğlaýyş], *iş ady.* Daglamak ýagdaýy.

**DAGLY** [da:ğly] **I**, *syp.* Daglyk ýurduň ýaşaýjysy, daglyk ýerde ýaşaýan (adam). *Dagly daýhan*.

**DAGLY** [da:ğly] **II**, *syp.* **1**. Dag basylan, daglanyp tagma salnan. *Gulagy dagly mal.* **2**. *şahyr.* Ýanyp-bişip, ýaraly bolan. *Ýüregi dagly.*

**DAGLYK** [da:ğlyk], *at.* Dagy köp bolan, köp dagly. *Daglyk oba.*

**DAG-MAGDAN** [da:ğ-mağda:n], *syp.* Açyk, ýerasty we suwasty ýerlerden gazylyp alynýan tebigy baýlyklara degişli bolan. *Ýurdumyzda dag-magdan işi uly depgin bilen barýar.*

◊ **Dag-magdan işleri** ýerden peýdaly magdanlary gözlemek ýa-da gazyp almak üçin magdan gazylyp alynýan ýerleri iş ýagdaýynda saklamak boýunça

alnyp barylýan işler. **Dag-magdan senagaty** gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň känlerini gözläp tapmak, olary gazyp almak we ilkinji işläp bejermek boýunça önümçilik pudaklarynyň toplumy. **Dag-magdan ylmy** peýdaly magdanlaryň känleriniň ýerleşişleriniň tebigy şertleri, dag-magdan işleri geçirilende, magdan gatlaklarynda bolup geçýän jisim hadysalary, peýdaly gaty magdanlary gazyp we baýlaşdyrmak usullary hem-de magdan känlerinde önümçiligi howpsuz we tygşytly guramak hakyndaky bilimleriň toplumy.

**DAGTOKGA** [da:ğtokgo], *at.* Hoşasy dykyz, uludan togalak däneli, terbaşa garanda irräk bişýän üzüm.

**DAGY** [dağy], *own. böl.* **1**. Köplenç ″eýse, eýsem, ýogsa, ýogsam, başga″ diýen manyda ulanylýan kömekçi söz. *Dagy näme işlediň?* **2**. Özünden öň gelýän söze baglanyp, jemleýjilik hyzmatyny ýerine ýetirýän söz. *Bu gürrüňi eşidenime iki ýyl dagy bolup barýar* (T. Gurbanow).

◊ **Dagy däl** öňünden gelýän adyň aňladýan zadynyň, predmetiniň hiliniň, häsiýetiniň oňatdygyny, ýokarydygyny görkezýär. *Ol ýigit dagy däldir. Alan mataň mata dagy däl eken, senem gowy zady tanap bilýäň.*

**DAGY-DUWARA** [dağy-duwa:ra], *hal.* Mundan beýläk, mundan buýana, gaýdyp, ikilenç. *Dagy-duwara ýalan sözläniňi görmäýin.*

**DAGYDYBERMEK** [da:ğydyvermek], *işl.* Dagydyp başlamak, dagydyp ugramak. *Seren ýüňümi ýel dagydyberensoň, ýene-de ýygnamaly boldum.*

**DAGY-HIJRAN** [da:ğy-hijira:n], *at.* Aýralyk dagy, aýralykda çekilýän hasrat. *Goýma balam, meni dagy-hijrana, Gitme, balam, gitjek ýollaryň daşdyr!* (″Saýatly – Hemra″).

**DAGYLMAK** [da:ğylmak], *işl., ser.* **Dagamak**. *Muhannesiň akly başdan dagylar* (Magrupy). *Jahana dagylyp sözüm, gel imdi döwran süräli* (″Asly – Kerem″).

**DAGYNYK** [da:ğynyk], *syp.* **1**. Dürli ýerlere ýaýran, ýaýraň, pytraňňy. *Türkmen çarwalary öňler dagynyk ýaşar ekenler.* **2**. Ünsi, pikiri, oýy bir ýere jemlenmedik, köp zadyň oýunda bolan. *Maýanyň habar bereni öňräkdi welin, pikirim dagynyk bolup, ýadymdan çykaýypdyr* (B. Pürliýew).

**DAGYNYKLYK** [da:ğynyklyk], *at.* **1**. Dürli ýerlere dargamaklyk, ýaýraňlyk, pytraňňylyk. – *Owalky dagynyklyk indi gutardy – diýdi.* **2**. Ünsüň, pikiriň, oýuň bir ýere jemlenmezlik, dagynyk pikirde bolmaklyk. *Pikiriň dagynyklygy sebäpli belli bir karara gelip bilmändi.*

**DAGYRDAMAK** [dağyrdamak], *işl., ser.* **Dagdyramak**. *Atynyň ýazan aýagyny ellejek bolanda, haýwan dagyrdap başlady* (H. Derýaýew).

**DAGYRDAŞMAK** [dağyrdaşmak], *işl., ser.* **Dagdyraşmak**.

**DAGYRDATMAK** [dağyrdatmak], *işl., ser.* **Dagdyratmak**.

**DAGYRDY** [dağyrdy], *at.* Näsaglyk, gorky we ş.m. zerarly emele gelýän sandyrama, titreme, galpyldama, dagdyrama. *Gorky dagyrdysy.*

**DAGYSTANLY** [da:ğyssa:nly], *syp., ser.* **Dagystanlylar**.

**DAGYSTANLYLAR** [da:ğyssa:nlylar], *at.* Dagystanyň esasy ilatyny düzýän halk. *Tamur, kemençe, çagana, gabal we ş.m. dagystanlylaryň milli saz gurallarydyr.*

**DAGYTDYRMAK** [da:ğytdyrmak], *işl., ser.* **Dagatdyrmak**.

**DAGYTMAK** [da:ğytmak], *işl., gepl. d., ser.* **Dagatmak**.

**DAHAN** [daha:n], *at,* Agyz. *Dostluk açsaň, bir biwepa ýar bilen, Gaýgy bilen dahanyňdan diş döker* (Magtymguly). *Gel, görüşseň keramatly goluňdan, aýlanaýyn dahanyňdan, tiliňden* (Mollanepes).

**DAHYL**, *at.* Baglanyşyk, degişlilik, gatnaşyk, mynasybet. *Patyşanyň işi bilen gedanyň ne dahyly bar* (″Saýatly – Hemra″).

**DAHYL** [da:hyl]**: dahyl bolmak** girmek, gelmek, ýetişmek. *Bir gije dahyl bolsam, Täze gülüstanyma* (Mollanepes).

**DAHYLLY**, *syp.* Degişli, baglanyşykly, gatnaşykly. *Size dahylly gürrüň däl.*

**DAHYLLYLYK**, *at.* Degişlilik, baglanyşyklylyk, gatnaşyklylyk.

**DAHYLSYZ**, *syp.* Dahyly bolmadyk, dahyly ýok, dahylly däl, degişli bolmadyk, degişli däl. *Bu mesele oňa dahylsyzdy.*

**DAHYLSYZLYK**, *at.* Bir zada dahylly bolmazlyk, dahyly ýokluk, dahylsyz bolmaklyk. *Işe dahylsyzlyk.*

**DAKDYRMA**, *iş ady.* Dakdyrmak ýagdaýy.

**DAKDYRMAK**, *işl.* **1**. Dakmak işini başga birine etdirmek, dakmaga mejbur etmek, mümkinçilik bermek. **2**. Tikdirip berkitdirmek (ilik, bagjyk we ş.m. hakynda). **3**.Ýük, goş-golam urdurmak. **4**. Baglatmak, iltetmek, asdyrmak.

**DAKDYRMAKLYK**, *iş ady.* Dakdyrmak ýagdaýy.

**DAKLYŞMA**, *iş ady.* Daklyşmak ýagdaýy.

**DAKLYŞMAK**, *işl.* Goşulmak, goşulyp gitmek, birikmek, tirkeşip gitmek. *Myrat ýaş taryhçylar toparyna gatnaşýardy, beýlekilere daklyşyp, bu ýere ozal hem iki ýola gelip gidipdi* (N. Esenmyradow).

**DAKLYŞMAKLYK**, *iş ady.* Daklyşmak ýagdaýy.

**DAKMA**, *iş ady*. Dakmak ýagdaýy.

**DAKMAK**, *işl.* **1**. Baglamak, iltemek, asmak. *Ata münüp dakaryn, Kesgir gylyç bilime* (Ş. Kekilow). **2**. Tikip berkitmek (ilik, bagjyk we ş.m. zat hakynda).

*Şonda tahýa altyn gupbaňy dakyp, Oýnadyň sen Zöhre janyň roluny* (A. Kowusow). **3**. Ýük, goş-golam urmak, ýüklemek. *Men ýükümi olaryň düýesine dakdym.* **4**. Adamsy aradan çykan ýaş aýaly äriniň doganyna çatmak. *Emma Merede dakarlar diýen küý onuň hiç wagtda huşuna gelmeýärdi* (B. Kerbabaýew).

**DAKMAKLYK**, *iş ady.* Dakmak ýagdaýy.

**DAKNYŞMA**, *iş ady.* Daknyşmak ýagdaýy.

**DAKNYŞMAK**, *işl.* Goş-golamyňy ýükläp, goşulyşyp gitmek, barýan ýolagçа goşulyp gitmek, daklyşmak.

**DAKNYŞMAKLYK**, *iş ady.* Daknyşmak ýagdaýy.

**DAKNYŞYK**, *at.* Deňleşjek bolmaklyk, aslyşyk, basdaşlyk. *Saňa daknyşyk eden kim bolsa, şonuň işi gaýdandyr* (B. Kerbabaýew).

**DAKYBERMEK** [dakyvermek], *işl.* Dakyp başlamak, dakyp ugramak.

**DAKYGA** [daky:ğa], *at, k.d.* Sagadyň altmyşdan bir ülşi, minut.

**DAKYLMA I**, *iş ady.* Dakylmak ýagdaýy.

**DAKYLMA II**, *at.* Adamsy aradan çykan ýaş aýaly äriniň doganyna çatmak bilen bagly köne däp-dessur, adat.

**DAKYLMAK**, *işl.* **1**. Baglanmak, iltelmek, asylmak. **2**. Tikilip berkidilmek. **3**. Äre berilmek (dul galan aýalyň öz äriniň doganyna berilmegi). **4**. Hormatlap at bermek. *Oňa Türkmenistanyň halk artisti diýen at dakyldy.*

**DAKYLMAKLYK**, *iş ady.* Dakylmak ýagdaýy.

**DAKYLYŞ**, *iş ady.* Dakylmak ýagdaýy.

**DAKYM**, *at.* Çitmäge taýýarlanylan ýüp.

**DAKYNAGAN** [dakynağan], *syp.* Hemişe dakynyp ýören, dakynmagy halaýan, dakynyp gezýän.

**DAKYNDY** [dakynny], *at.* **1**. Ýola gidilende, bir ýana ugralanda esasy ýolagçylara goşulyp gidýän adam. **2**. *kön s*. Adamsy aradan çykanda, köne urp-adata görä, äriniň doganyna dakylan gelin.

**DAKYNMAK**, *işl.* Özüniň bir ýerine bir zady tikmek, ildirmek, asmak, berkitmek. *Gyz gülýakasyny dakyndy.*

**DAKYNYBERMEK** [dakynyvermek], *işl.* **1**. Bir zady dakynmaga başlamak. **2**. Dakynmagy dowam etdirmek, aýyrman dakynmak.

**DAKYNYŞMAK**, *işl.* Birtopar bolup dakynmak. *Gelinler çapraz çaňňalaryny dakynyşyp, toýa ugradylar*.

**DAKYŞ**, *iş ady.* Dakmak ýagdaýy.

**DAKYŞDYRMAK**, *işl.* Birnäçe şaýy, monjugy dakyp çykmak, asyşdyrmak, ilteşdirmek.

**DAKYŞDYRYBERMEK** [dakyşdyryvermek], *işl.* Dakyp başlamak, dakyp ugramak.

**DAKYŞMAK**, *işl.* Dakmaga kömekleşmek, dakmaga kömek etmek. *Aýlar jorasynyň çapraz-çaňňasyny, apbasysyny dakyşdy.*

**DAL I**, *at.* Gerden, egin; arka, ýeňse. *Mis küýzäni göterip sen dalyňa, Mämeli gyz, biziň bile bir danyş!* ("Saýatly – Hemra").

**DAL II**, *at.* Syrdam çybyk, pudak, şaha. *Boýy selbä meňzär, kamaty dala, Dişi düre meňzär, lebleri bala* ("Saýatly – Hemra").

**DAL** [da:l], *at.* **1**. Arap elipbiýiniň sekizinji harpynyň ady. *Elipge met goýmaly, dalga zir, nunga zeber* (Mätäji). **2**. *göç.m.* Bükülen, egri, bükük. *Pelek anyň elip kaddyn dal eder* (Magtymguly). *Misli dal dek bükülişip, Dürli hyýal-pikir bile, Galyberdim hökür bile* (K. Gurbannepesow). **3**. Ebjet hasabynda 4 san birligi.

**DALABERMEK** [da:la:vermek], *işl.* Dalamak, dalamaga başlamak. *Ite daş atmasaň, öz-özi dalabermez.*

**DALAK** [da:lak], *at.* **1**. *lukmanç.* Adamyň we oňurgaly haýwanlaryň garyn boşlugynda ýerleşýän we ýaşaýşyň dürli görnüşlerini ýerine ýetirýän agzasy. *Tak-tak etdim, dalak iýdim, pök-pök etdim, böwrek iýdim* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. *sagl. g., gepl.d.* Bu agza şikes ýetmek sebäpli döreýän kesel. *Lukman Hekim hem öz döwründe dalagyň emini tapmandyr.* **3**. Otagyň tagtadan düşegi. *Dostum toýda öwülsin, Depiň, dalak döwülsin* (Küştdepdiden).

◊ **Dalak bolmak** dalak keseline sezewar bolmak, dalak keseli bilen kesellemek. **Dalak goýun** guýrugy sallanyp duran salpy guýruk goýun. **Dalak ýaly** dalagyň reňki ýaly. *Onuň gahardan ýaňa ýüzi dalak ýaly gögerdi*.

**DALAKLAMAK** [da:laklamak], *işl.* Dalak keseline uçramak, duçar bolmak. *Goýunlar dalaklapdyr.*

**DALAMA** [da:lama], *iş ady.* Dalamak ýagdaýy.

**DALAMAK** [da:lamak], *işl.* **1**. Agyz urup çeýnemek, ýarmak, ýaryp, endam-janyny pers-ala etmek. *Biz it hem bolsak, goýun itidiris, öz sürimizi dalamaga dişimiz ötmez* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Ýüzüni almak, mazaly suwuna degmek, azgyrylmak. *Ol gaharyny gizläp bilmän, ony gözi bilen dalady.* **3**. *gepl.d.* Sowuk urmak, ýüzüni çawlamak. *Alabaharyň duýdansyz aňzagy agaçlaryň pyntyklarynyň ýüzüni dalap geçdi.*

**DALAMAKLYK** [da:lamaklyk], *iş ady.* Dalamak ýagdaýy.

**DALAN**, *at.* Tamyň öň tarapynda gurulýan, üsti ýapyk, gapdallary açyk eýwan. *Ah-ow, türkmen, sen çyk, dalanda ýat* ("Görogly").

**DALANMAK** [da:lanmak], *işl.* **1**. Ýardyryp horlanmak, özüňi ýardyrmak, agyz urlup çeýnelmek. **2**. *göç.m.* Ýüzi alynmak, ýüzüňe jabjynylmak, biriniň dalamagyna duçar bolmak. **3**. *göç.m.* Solmak, süllermek. *Ýaşajyk ekinleriň ýüzi dalandy.*

**DALARLAMA** [da:larlama], *iş ady.* Dalarlamak ýagdaýy.

**DALARLAMAK** [da:larlamak], *işl.* Birneme dalamak, az-owlak dalamak.

**DALARLANMA** [da:larlanma], *iş ady.* Dalarlanmak ýagdaýy.

**DALARLANMAK** [da:larlanmak], *işl.* Biraz dalanmak, az-owlak dalanmak. *Ol orta alnyp dalarlanan bolmaga çemeli.*

**DALARLY** [da:la:rly], *syp.* Daş görnüşine görä dalajak ýaly, iýäýjek ýaly, käýinjek ýaly. *Ol gözlerini alardyp, oňa ýiti-ýiti garady, ony söz bilen dalarly göründi.*

**DALAŞ: dalaş etmek** bir zady etmek (okamak, goramak, saýlanmak, birinjiligi almak we ş.m.) üçin çalyşmak, dyrjaşmak, erjellik görkezmek. *Ol öňünde goýan maksadyna ýetmäge dalaş edýän adam* (B. Seýtäkow).

**DALAŞ** [da:laş], *at.* **1**. Gelin alnanda, gelne baş salnanda aýallaryň tutluşmak, göreşmek däbi, göreş. **2**. Özara basalaşyk, özara edilýän oýunlar, çekeleşik, tutluşyk. *Ýara dalaş ýagşy, dost bilen oýun, Ölinçä dost bolmaz gurt bilen goýun* (Baýly şahyr). **3**. *göç.m.* Söweş, uruş. *Söweş güni, dalaş güni meýdanda, Duşmanyňa sal gylyjy gaýgyrman* (Ş. Kekilow).

**DALAŞGÄR** [dalaşğä:r], *at.* **1**. Bir ýere saýlanmak, bellenmek ýa-da kabul edilmek üçin göz öňünde tutulýan adam, kandidat. *Prezidentlige dalaşgär.* **2**. Türkmenistanda alymlyk derejesini almak üçin önümçilikden aýrylmazlyk şerti bilen ýörite okuwa kabul edilip, kandidatlyk minimumlaryny tabşyrýan, dissertasiýa ýazýan adam. **3**. Bäsleşige, ýaryşa gatnaşyp, baýrakly orunlary almaga çalyşýan adam.

**DALAŞMA** [da:laşma], *iş ady.* Dalaşmak ýagdaýy. *Her zatda bolşy ýaly, dalaşmanyň hem çen-çaky bar.*

**DALAŞMAK** [da:laşmak], *işl.* **1**. Biri-birini dalamak (itler hakynda). *Dalaşyp duran iki sany it*. **2**. Biri-biriň bilen basalaşmak, tutluşmak, çekeleşmek, oýun edişmek. *Dalaşma, dildarym, bir zaman goýgul* (Halk aýdymyndan). *Gezer sen oýnap, dalaşyp, Galar sen derde dolaşyp* (Magtymguly).

**DALAŞMAKLYK** [da:laşmaklyk], *iş ady.* Dalaşmak ýagdaýy.

**DALATMAK** [da:latmak], *işl.* **1**. Dalamak hereketini başga birine etdirmek, birini dalamaga mejbur etmek ýa-da mümkinçilik bermek; ýardyryp horlatmak, ýarmagyna sezewar etmek, agyz urduryp çeýnetmek. *Ol özüni ite dalatdy.* **2**. *göç.m.* Birine ýüzüni aldyrmak, azgyrtmak.

**DALAW** [da:low ], *at.* **1**. Zeper, zyýan, ýokanç. *Daşa dalaw ýokmaz* (Nakyl). *Armaz at, dalmaz at, dalaw degip ölmez at* (Matal: garynja). **2**. *göç.m.* Buz, doňak; sowuk. *Ine, men şeýle adamyny dalaw ýaly gara ýere tabşyryp gaýtmaly boldum* ("Edebiýat we sungat").

**DALAWLATMA** [dalowlotmo], *iş ady.* Dalawlatmak ýagdaýy, talawlatma.

**DALAWLATMAK** [dalowlotmok], *işl.* Howada bulaýlamak, ýokary galdyrmak, bulaýlamak (*ser.* Talawlatmak). *Ussa sözüne dyngy beren wagty, Bibisoltan eje sag elini dalawladyp gepledi* (H. Garabaýew).

**DALAÝYŞ** [da:laýyş], *iş ady.* Dalamak ýagdaýy.

**DALBAR** [dalvar], *at*. Üsti üzüm ýa-da çyrmaşyp ösýän beýleki ösümlikleriň gollary bilen örtülen bassyrma, telär. *Üzüm dalbarlarynyň aşagynda oturyber*.

**DALBYNMA** [dalvynma], *iş ady*. Dalbynmak ýagdaýy.

**DALBYNMAK** [dalvynmak], *işl*. Hyjuw bilen urunmak, dyzamak. *Başyn silkip girse, gider ýoluna, Laçyn deý dalbynar sagy-soluna* (Mollamurt).

**DALBYNMAKLYK** [dalvynmaklyk], *iş ady*. Dalbynmak ýagdaýy.

**DALÇYN**, *at*. *ösüml.d.* **1**. Ýyly ýurtlarda bitýän mydama gök öwsüp oturan dermanlyk ösümlik. **2**. Şol ösümligiň dermanlyk çöpi. *Haltajygyň bir gözünde yşgyn, beýleki gözünde dalçyn bardy* (S. Myradow). **3**. Adam ady.

**DALÇYNMYHAK** [dalçynmy:hak], *at, ser*. **Dalçyn 2**.

**DALDA** [dalla], *at*. Pena, hemaýat, kömek, gorag, arka, söýget, daýanç. *Magşar güni bolmasaň sen maňa dalda, Ýa reb, niçik bolur halym şol günde* (Magtymguly). *Olar sizden isleýändir köp dalda* (Ş. Kekilow).

◊ **Dalda gözlemek** kömek islemek, haraý islemek.

**DALDALABERMEK** [dallala:vermek], *işl*. Daldalap başlamak.

**DALDALAMA** [dallalama], *iş ady*. Daldalamak ýagdaýy.

**DALDALAMAK** [dallalamak], *işl*. **1**. Pena edinmek, eliňi öňüňe tutup gorag edinmek. *Şol barmana-da ýüzüne ýalyn çabyrap barýan dek elini daldalap, arkan-arkan çekilýär* (R. Gelenow). **2**. Goluňy galdyrmak, eliňi bulaýlamak.

**DALDALATDYRMAK** [dallalatdyrmak], *işl*., *ser*. **Daldalatmak**.

**DALDALATMAK** [dallalatmak], *işl*. **1**. Pena etmek, eliňi öňüňe tutup gorag etmek. *Taýagyň öňünde eliňi daldalatmak*. **2**. Eliňi bulaýlatmak, galgatmak. *Geplemän duran başlyk ellerini daldaladyp, iki-baka ýöräp başlady* (H. Garabaýew).

**DALDAW** [dallow], *at, ser*. **Dalda**.

**DALDAWSYZ** [dallowsuz], *syp*. Kömeksiz, hemaýatsyz, goldawsyz.

**DALDAWSYZLYK** [dallowsuzluk], *at*. Kömeksizlik, hemaýatsyzlyk, goldawsyzlyk.

**DALGA** [dalğa], *at, gepl.d.* Deňizde turýan gaý; tolkun. *Dogry tutup döşüni dalga bolsa, gar*

*bolsa, Ýyldyrym kimin öňe sürüň, sürmeli çagdyr* (N. Annagylyjow).

**DAL-GERDEN** [dal-ğerden], *at*. Egin, gerden. *Altyn-kümüş, zümerret dal-gerdene dakar sen* (Kemine). *Sona kimin dal-gerdeniň galdyrma, Her ýeter-ýetmeze syryň bildirme* (Halk aýdymyndan).

**DALJYGYBERMEK** [da:ljyğyvermek], *işl*. Daljygyp başlamak, daljygyp ugramak.

**DALJYGYŞ** [da:ljyğyş], *iş ady.* Daljykmak ýagdaýy.

**DALJYKDYRMAK** [da:ljykdyrmak], *işl.* Daljykmak katdyna ýetirmek, daljykmaga mejbur etmek. *Uzak aralyk çapylan atlary daljykdyrdy.*

**DALJYKMA** [da:ljykma], *iş ady*. Daljykmak ýagdaýy.

**DALJYKMAK** [da:ljykmak], *işl*. Ylgamak, çapmak ýa-da çalt işlemek we ş.m. zerarly kynlyk bilen sojap dem almak. *Soňky oba ýetmän daljyksa atym, Oňa bagrym bilen süýşüp ýeterin* (G. Ezizow).

**DALJYKMAKLYK** [da:ljykmaklyk], *iş ady*. Daljykmak ýagdaýy.

**DALMYNMA**, *iş ady.* Dalmynmak ýagdaýy.

**DALMYNMAK**, *işl*. **1**. Ýalmanyp, tamşanyp durmak. *Dodaklar dalmyndy*. **2**. Guwançly, arzuwly ýagdaýda bolmak. *Ýüregim dalmynyp, çykdy golumdan, Janyma owsunlap ýeter gulpagyň* (Kemine). *Özi bir näzenin dalmynyp duran, anda meniň şadilberim, görünmez?* (Halk aýdymyndan).

**DALMYNMAKLYK**, *iş ady.* Dalmynmak ýagdaýy.

**DALMYNYBERMEK** [dalmynyvermek], *işl*. Dalmynyp ugramak, dalmynyp başlamak.

**DALMYNYŞ**, *iş ady.* Dalmynmak ýagdaýy.

**DALMYNYŞMAK**, *işl*. Birnäçe bolup bilelikde dalmynmak. *Itler atarylan gazanlaryň aňyrsynda dalmynyşyp ýatyrdylar.*

**DAM** [da:m], *at*. **1**. Duzak, gapan, tor. *Ahyry ajalyň damyna düşdüm, ala bilseň bu zyndandan al imdi* (Şeýdaýy). **2**. Diwar.

**DAMA-DAMA**, *hal işl*. Köp mukdarda, yzly-yzyna damyp. *Dama-dama köl bolar, hiç dammasa, çöl bolar* (Nakyl).

**DAMAK**, *at*. **1**. Bogaz, bokurdak. **2**. *gepl.d.* Nahar, iýmit. *Arpa nany besdir, tapsaň damaga, Ömür bakysyna düşme tamaga!* (Magtymguly). *"Pylan ýerde bolanymyzda, pylan tüýsli damak berýärdiler, gowy naharlar berýärdiler" diýip, bu burunlagyň agzyndaky hemişe nahar gürrüňidi* (A. Gowşudow).

◊ **Damagyna gyzma 1**. Wagtynda nahar edinmegi gowy görýän, bokurdagyna gyzma. **2**. Käbir haýwanyň berilýän zady iýende gabanyp, hyrlap, topulyp durmagy. **Damagyna münmek** *ser.* **Damagyny çalmak**. *Ol aksaply bilen semiz baggoýnuň damagyna mündi.* **Damagyndan çörek ötmezlik** bir zadyň hasratyny çekip, bir zat hakda ünji edip, işdäden kesilmeklik. **Damagyny çalmak** iýilýän janly-jandaryň bogazyny ýiti ýarag bilen kesip, gan çykaryp halallamak. **Damagyny pagta bilen çalmak** süýji dil, ýakymly söz bilen aldamak, ynandyrmak, boýun etmek. *Duşmanyň damagyny pagta bilen çalmaga çalyş* (B. Kerbabaýew). **Damak bolmak** dadyrarlar diýip tamakin bolmak, emenip galmak. **Damak dolmak** begençden ýa-da gynançdan ýaňa hamsykmak, agyň tutmak, bogazyň dolmak. **Damak ýyrtmak** bogazyňa sygdygyndan gygyrmak, haýkyrmak, haýbatly geplemek, bogaz ýyrtmak. *Gök dek gürläp, damak ýyrtar, Taýýar bolan aş üstünde* (Magtymguly).

**DAMAKÇALAR**, *at, gepl.d.* Bokurdak; damagyň çalynýan ýeri.

**DAMAKÇY**, *at, gepl. d., ser*. **Damakçyl**.

**DAMAKÇYL**, *syp.* Iýermen, horan, damaksow, damakçy. *Tüweleme, seret onuň göwresine, damakçyldygyndan habar berýär.*

**DAMAKÇYLLYK**, *at.* Iýermenlik, damaksowlyk, damaklylyk.

**DAMAKGAN** [damakga:n], *at.* Malyň damagy çalnanda çykýan gan.

◊ **Damakgan çukury** malyň damagy çalynýan we damak gany akdyrylýan kiçiräk edilip gazylan çukur.

**DAMAKLANMAK**, *işl., gepl.d.* Naharlanmak.

**DAMAKLY**, *syp.* Naharly, nahar iýen, dok. *Siz saklanmaň-da iýiberiň, men damakly.*

**DAMAKMONJUK** [damakmo:njuk], *at, zergärç. s.*Gelin-gyzlaryň dürli reňkdäki hünjülerden belli bir nagyş görnüşinde birnäçe setir edip, sapaga düzüp, boýnuna dakynýan ýa-da hünjini birnäçe setir düzüp, boýunlaryna halka görnüşli aýlaýan bezegi .

**DAMAKSA**, *at, ser.* **Damakmonjuk**.

**DAMAKSOW**, *syp., ser.* **Damakçyl**.

**DAMANA**, *at*. Dagyň eteginden keseligine, ýagny daga ugurdaş geçýän ýol. *Elgaraz, Mejnuny bir dagyň damanasyndan tapdy* (Andalyp).

◊ **Damana ýoly** dag eteklerinde, aýratyn hem änewli, nohurly bagşylar, sazandalar tarapyndan ýerine ýetirilýän aýdym-sazlaryň äheňi, heňi, ýoly (bagşyçylygyň bu ýolunda jukguldy ulanylmaýar, kiçi diliň töwereginde bolup geçýän ses gaýnawy damana ýolunyň häsiýetli aýratynlygydyr). *Çerkez çendan inçejik uzynja sesi bilen damana ýoluna aýdyma gygyrýardy* (B. Kerbabaýew).

**DAMAR**, *at.* **1**. Haýwanlarda we adamlarda ganyň akýan turbajyk sekilli ýolunyň umumy ady. *Damaryna görä gan al* (Atalar sözi). **2**. Beden etlerini birleşdirýän siňir görnüşli berk öýjükler toplumy. *Ökje damary. Ýeňse damary*. **3**. Ösümliklerde suwuklyk ýa-da nem geçirýän sapak ýa-da kök görnüşli çylgymlar, zolaklar. **4**. *gepl.d.*

Kök. *Damaryna zeper ýetirmän göçürilen agaçlar oňat tutupdyrlar.* **5**. *gepl.d.* Özen. *Käşiriň damary ýognapdyr.*

◊ **Damar çekmek 1**) muskul damarlary dartylyp, gaty agyry peýda bolmak. **2**) aýry ýerde ýaşasa-da, süňk hossaryna ýakynlaşmak, ony görmek islegi güýçlenmek. *Edil bilen ýaly, garry atasyny diri görmek nesibesi bardyr-da, ol amanadyny tabşyrmanka daş ýurtdan agtygy geläýdi, habar edenem ýok welin, elbetde, damar çekýändir-dä.* **Damarda gan gaýnamak** ýürek joşmak, ylham gelmek, ýürek möwç urmak. *Ýürek joşup, damarda gan gaýnady, Ak kagyz üstünde galam oýnady* (A. Kekilow). **Damar gatan ýeri bar (ýok)** garyndaşlyk ilteşigi bar (ýok), kowum-garyndaş (däl). *Onuň pylany bilen damar gatan ýeri bar öýdýän.* **Damaryny ýumşatmak** ugruny tapmak, köşeşdirmek, rahatlandyrmak. **Inçe damaryny tapmak** biriniň ugruny tapmak, işiňi bitirtmek üçin halaýan, gowy görýän zadyny bilmek. *Inçe damaryny tapaýmasaň, sözüňi-de diňlemez.* **Ýeňse damary gatamak** bir zada gaty gahary gelmek. *Onuň wejera bolup durşuny görüp, birden ýeňse damary gatady.* **Ýeňse damaryndan tutulmak** *ser.* **Ýeňse damary gatamak.**

**DAMARLAK**, *syp.* Damary köp bolan, damar-damar bolup duran, damarlary görnüşip, çykyşyp duran. *Ussa özüniň damarlak ellerini ýaş ýigidiň egniniň üstüne goýdy* ("Edebiýat we sungat").

**DAMDYK**, *at*. Suwuk zadyň iň az mukdary; damja. *Bir damdyk suw.*

**DAMDYRMA**, *iş ady.* Damdyrmak ýagdaýy.

**DAMDYRMAK**, *işl.* Damja-damja edip guýmak, damjaladyp dökmek; damja görnüşinde dökmek, guýmak. *Eliniň sypjyrylan ýerine ýeke damja ýod damdyrdy.*

**DAMDYRMAKLYK**, *iş ady.* Damdyrmak ýagdaýy.

**DAMDYRTMAK**, *işl.* Damdyrmak işini birine etdirmek. *Gözüne derman damdyrtmak*.

**DAMDYRYBERMEK** [damdyryvermek], *işl.* Damdyryp ugramak, damdyryp başlamak. *Ilki men arkanlygyna gyşaraýyn, onsoň sen dermanyňy damdyrsaň damdyryber.*

**DAMDYRYŞ**, *iş ady.* Damdyrmak ýagdaýy.

**DAMDYRYŞDYRMAK**, *işl.* Damja-damja edip guýuşdyrmak, ýeke-ýekeden damdyryp çykmak.

**DAMDYRYŞMA**, *iş ady.* Damdyryşmak ýagdaýy.

**DAMDYRYŞMAK**, *işl.* **1**. Damdyrmaga kömek etmek. *Göze derman damdyryşmak.* **2**. Bilelikde damdyrmak.

**DAMJA**, *at*. Syrygyp damýan kiçijik togalak görnüşli suwuklyk, damýan suwuklyk düwmejigi. *Suw damjasy. Bir damja ýod.*

**DAMJA-DAMJA**, *hal.* **1**. Damja görnüşinde; damja usuly bilen. **2**. Damja-damja edip.

**DAMJALABERMEK** [damjala:vermek], *işl.* Damjalap ugramak, damjalap başlamak. *Bulutlar ýagarly däl hem bolsa, birden damjalaberdi.*

**DAMJALAMA**, *iş ady.* Damjalamak ýagdaýy.

**DAMJALAMAK**, *işl.* **1**. Damja-damja bolup dammak. **2**. Iki-ýeke damyp, ýagyp başlamak. *Howanyň ýüzi açygam bolsa, käýarym ýagyş damjalaýardy.*

**DAMJALAMAKLYK**, *iş ady.* Damjalamak ýagdaýy.

**DAMJALAÝYN**, *hal.* Damja görnüşinde, damdyrma ýoly, usuly bilen. *Suwaryşyň damjalaýyn usuly*.

**DAMJALAÝYŞ**, *iş ady.* Damjalamak ýagdaýy.

**DAMJYK-DUMJUK: damjyk-dumjuk etmek** iki-ýeke damyp başlamak, damjyklamak. *Ilki damjyk-dumjuk edip başlanam bolsa, soňy ýelli çagba ýazypdy, ýagyş diňerli däldi* ("Edebiýat we sungat").

**DAMJYKLABERMEK** [damjykla:vermek], *işl.* Damjyklap ugramak, damjyklap başlamak. *Damjyklasa, damjyklabersin, gaty ýagmasa bolýar.*

**DAMJYKLAMA**, *iş ady.* Damjyklamak ýagdaýy.

**DAMJYKLAMAK**, *işl.* Sähel damjalap başlamak. *Ýagyş damjyklap däl-de, ternawdan akýan suw ýaly, yzyny üzmän guýup başlady*.

**DAMJYKLAMAKLYK**, *iş ady.* Damjyklamak ýagdaýy.

**DAMJYKLAÝYŞ**, *iş ady.* Damjyklamak ýagdaýy.

**DAMKA**, *at*. **1**. Şaşka oýnunda garşydaşyň tagtasynyň soňky hataryna baryp ýetmegi gazanan hem-de öýjükleriň islendik ugruna öňe ýa-da yza göçmäge hukuk alan şaşka çöpi. *Ak çöpleriň biri damka çykdy*. **2**. *gepl.d.* Küşt tagtasy ýaly 64 öýli tagtada 24 çöp bilen oýnalýan oýnuň ady, şaşka. *Damka oýnap Kemal bilen, Gymmat wagtyň ýitirýärsiň* (K. Gurbannepesow). *Hawa, ýanyňyz bilen küşt, damka almagy hem ýadyňyzdan çykaraýmaň* (B. Pürliýew).

**DAMKAÇY**, *at, gepl.d.* Damka oýnuny oýnaýan adam, şaşkaçy. *Ökde damkaçy. Damkaçylaryň ýaryşy.*

**DAMLA: damla guýy** gyrda daşlyk, gaty ýerden gazylýan guýy. *Damla guýy gyrda bakylýan dowarlary suwa ýakmak üçin peýdalanylýar.*

**DAMMA**, *iş ady.* Dammak ýagdaýy.

**DAMMAK**, *işl*. **1**. Damjalap gaçmak, damja-damja bolup ýere düşmek, damjalamak. *Iri-iri ýagyş damjalary damyp başlady* (B. Pürliýew). **2**. Ýagyş geçmek. *Tamymyzyň üsti saman suwag bolansoň, ondan ýagyş geçýärdi.*

**DAMMAKLYK**, *iş ady.* Dammak ýagdaýy.

**DAMYBERMEK** [damyvermek], *işl.* Damyp başlamak, damyp ugramak.

**DAMYLLA** [da:mylla / da:mylla:], *at. kön.s.* **1**. Dini mekdepde sapak berýän molla. **2**. "Mollam, mugallymym" diýen manyda ýüz tutulyp aýdylýan söz.

**DAMYŞ**, *iş ady.* Dammak ýagdaýy. *Ýagyş diňenden soň, gara öýde serpikden, üzükden damjalaryň damşyna diň salyp ýatardyk.*

**DAMYŞMAK**, *işl.* **1**. Damjalar ýere gaçyşmak, yzly-yzyna dammak. *Ýagan ýagşyň damjalary serpikden damşyp dur.*

**DAN** [da:n] **I**, *at*. Tikilen eşik we ş.m. giň ýa-da dar bolanda kesilip aýrylýan, ýa-da kesilip urulýan dilkaw mata bölegi. *Tahýanyň eteginden dan almaly.*

**DAN** [da:n] **II**, *at, sport*. Dzýudo we karate göreşinde iň ýokary taýýarlyk derejesi. *Hormatly Prezidentimiziň gysga döwürde Halkara karate federasiýasy tarapyndan gara guşagyň iň ýokary 6-njy danyna, Aziýanyň Olimpiýa geňeşiniň ordenine, Halkara awtomobil federasiýasynyň we "Ýüpek ýoly – 2009" rallisiniň guramaçylyk komitetiniň ýokary Kubogyna mynasyp bolmagy milli Liderimiziň halkara ykrarnamasyna eýe bolýandygyny aňyrýany bilen subut edýär* ("Saglyk").

**DANA** [da:na], *syp.* Köp zatdan habarly, bilimli, akylly, parasatly, akyldar. *Altyn başym dik bolsa, dana başym dok bolar. Dana bir söz bes, akmaga müň söz hebes.* Aýdyjy akmak bolsa, diňleýji dana gerek (Nakyl).

**DANADAN-DANA** [da:nadan-da:na], *syp.* Örän dana, danalaryň danasy.

**DANALYK** [da:nalyk], *at.* Köp zatdan habarlylyk, bilimlilik, akyllylyk, akyldarlyk, parasatlylyk.

**DANDAGYÇ** [dannağyç], *syp.* Her bir zady dandaýan, seljerýän. *Hemme adam deň bolanok, käbiri dandagyç bolýar.*

**DANDAMA** [dannama], *iş ady.* Dandamak ýagdaýy. *Meniň nahar dandamam bolmaz.*

**DANDAMAK** [dannamak], *işl.* Seljermek, tapawut goýmak, saýlamak. *Janly-jansyz herne gelse destine, Dandamaý dahana atyp durupdyr* (Magtymguly). *Halal, haram dandamadyň, herne görünse gözüňe (Aşyky).*

**DANDAMAKLYK** [dannamaklyk], *iş ady.* Dandamak ýagdaýy.

**DANDAMAZLYK** [dannamazlyk], *iş ady.* Dandap durmazlyk, seljerip durmazlyk.

**DANDAW** [dannow], *at.* **1**. Bökdenç, päsgel. *Maşyn ondan dandaw etmän, ýetjek ýerine tiz ýetdi.* **2**. Seljermeklik, saýgarmaklyk, saýlamaklyk, tapawut goýmaklyk. *Onuň nahar dandawy ýokdy*.

**DANDAWLY** [dannowly], *syp.* **1**. Bökdençli, päsgelli. **2**. Her bir zada tapawut goýýan, her bir zady seljerýän.

**DANDAWSYZ** [dannowsuz], *syp.* **1**. Bökdençsiz, päsgelsiz. **2**. Hiç bir zada tapawut goýmaýan, dandaw etmeýän, hiç bir zady saýlap-seljermeýän.

**DANDAÝYŞ** [dannaýyş], *iş ady.* Dandamak ýagdaýy.

**DANIÝALY** [da:nyýaly], *syp., ser.* **Daniýalylar**.

**DANIÝALYLAR** [da:nyýalylar], *at.* Daniýanyň esasy halky, ýerli ilaty.

**DANYŞMA**, *iş ady.* Danyşmak ýagdaýy.

**DANYŞMAK**, *işl., k.d.* Gepleşmek, sözleşmek, gürleşmek. *Ger guşansaň zerli kemer, Danyşsaň dilden bal damar* (Halk aýdymyndan).

**DANYŞMENT** [da:nyşment], *syp., k.d.*.Ylymly, bilimli, bilimdar, dilewar. *Bular okap, alym-dana boldular we ýene külli hünärlerden habardar boldular, ajap danyşment boldular* ("Hüýrlukga – Hemra"). *Bir ýigit danyşment olur, Eger sowady-haty bolsa* (Magrupy).

**DAŇ**, *at*. Gün dogmazyndan öň howanyň ýagtylyp başlaýan çagy, jahan, ýalançy ýagtylyp başlaýan pursat. *Goşgy daňyň ak süýdüne ýugrulýar, Ýatany ýerinden galdyrmak üçin* (B. Hudaýnazarow).

◊ **Daň agarmak** gündogar tarap ýagtylyp başlamak. **Daň atmak** jahan ýagtylyp ugramak. *Hanha, iňrik ýere ýazylyp barýar, Bilýän, bir ýerlerde eýýäm daň atdy* (G. Ezizow). **Daň saz bermek** daňyň atýany bildirip başlamak, *Günüň dogýan ýeri ýagtylyp ugramak. Görse, eýýäm daň saz beren eken* ("Görogly"). *Bu güpür-tapyrlyk daň saz berýänçä dowam etdi* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Älem içre at gezer"). **Daň tilki guýruk bolmak** ýaňy daň bildirip ugramak, daň saz berip başlamak. **Daňyňy atyrmak** daňa çenli oturmak, daňa çenli garaşmak.

**DAŇDAN** [daňda:n], *hal.* Jahanyň ýagtylyp başlaýan wagty, daň bilen. *Daňdan turup, zülpüň darap, Timar bergin saçlaryňa* (Mätäji).

**DAŇDANKY** [daňda:nky], *syp.* Daňdan wagtyndaky. *Onuň daňdanky öýden çykyşydy. Men daňdanky otla ýetişmeli.*

**DAŇDYRMAK**, *işl.* Daňmak işini başga birine etdirmek, daňmaga mejbur etmek, mümkinçilik bermek. *Köwşüň bagyny daňdyrmak. Guşak daňdyrmak. Öküz aýaklaryny daňdyrmady. Ýarany daňdyrmak.*

**DAŇDYRYBERMEK** [daňdyryvermek], *işl.* Daňdyrmaga başlamak. *Haýwanlaram adam tanaýar, ýüpüni her kese daňdyryberenok.*

**DAŇLYŞ**, *iş ady.* Daňylmak ýagdaýy. *Munuň başga hili-de daňlyş usuly bar.*

**DAŇMA**, *iş ady.* Daňmak ýagdaýy.

**DAŇMAK**, *işl.* **1**. Ýüpüň we ş.m. uçlaryny birleşdirip, biri-birine ulap düwmek, baglamak. *Ol aýakgabynyň bagyny gyssanmaç daňdy*. **2**. Bir zada baglap, berkidip goýmak, iltemek, baglamak. *Atyny golaýda ýatan pürsleriň birine daňdy* (B. Seýtäkow). **3**. Daşyny sarap, orap baglamak. *Ol sypjyrylyp ganan barmaklaryny daňmaga oturdy*. **4**. *göç.m.* Ugruna goýbermezlik, elinden erkini almak. *"Gaýyn enesi halys daňypdyr" diýip, gyzynyň gününden zeýrendi.*

**DAŇMAKLYK**, *iş. ady*. Daňmak ýagdaýy.

**DAŇNYBERMEK** [daňnyvermek], *işl*. **1**. Özüň daňnyp başlamak, daňnyp ugramak. *Halanyňy al-da daňnyber.* **2**. Daňnyp gezibermek, daňynmagy dowam etdirmek. *Täzesini alynýançaň, köne ýaglygyňy daňnybersene.*

**DAŇY**, *at*. **1**. Ýara we ş.m. daňmak üçin sargy. *Nahardan soň lukman gelip, ýaralaryna derman etdi, daňylaryny täzeledi* (A. Gowşudow). **2**. Bir zady daňmak, güýlmek üçin bölek ýüp, bag. **3**. Daňlyp, baglanyp goýlan zat, goş, ýük. *Haşlap uludan demini alyp, iki elini bykynyna urup, otla seretdi, yzyndan Nurgeldiniň golunyň, aýagynyň daňylaryny kesişdirip boşatdy* (A. Durdyýew).

**DAŇYBERMEK** [daňyvermek], *işl*. Daňmaga başlamak, daňyp ugramak, daňmak işini edibermek. *Ýöne oturandan, goş-golamlary ýygnap, ýükleri daňybersek nädýär!*

**DAŇYK**, *syp., gepl.d., ser.* **Daňylgy**. *Onuň eliniň ýarasy daňykdy. Daňyk atlar gazyklarynyň daşynda aýlanýardylar.*

**DAŇYLGAZYK** [daňylğazyk]**: daňylgazyk bolmak** bir ýerde biriniň ýanynda köp saklanmak, durmak, eglenmek, güýmenmek. *Näme, beýle daňylgazyk bolduň, geler ýerde gelerler ahyry-diýip, ene ogluna käýinjiredi.*

**DAŇYLGY** [daňylğy], *syp*. **1**. Sargylanan, sargy saralan, daňyk. *Onuň eliniň ýarasy daňylgydy*. **2**. Bir zada daňlan, daňylgy, baglanan, daňlyp goýlan. *Sygyrlara gözi düşen daňylgy göleler molaşýardylar* (B. Kerbabaýew).

**DAŇYLMAK**, *işl*. **1**. Ýüpüň we ş.m. zatlaryň uçlary düwlüp birleşdirilmek, baglanmak, çatylmak. **2**. Bir zada baglanyp goýulmak, berkidilip goýulmak, iltelmek, baglanmak. **3**. Saralyp baglanmak, oralyp berkidilmek, baglanmak. **4**. *göç.m*. Bir ýerde köp durmak, uzak eglenmek, köp saklanmak, hiç ýaňa gidip bilmän durmak. *Merede garaşyp uzakly gün daňyldym.*

**DAŇYLY**, *syp*. Daňysy bar bolan, sargyly. Daňyly ýara.

**DAŇYNMAK**, *işl*. Ýaglygy, gyňajy öz başyňa daňmak. *Gyňaç daňynmak. Ýaglyk daňynmak.*

**DAŇYŞ**, *iş ady.* Daňmak ýagdaýy. *Bu hili daňşyň bolanok, getir, men daňyp bereýin.*

**DAŇYŞDYRMAK**, *işl*. Daňyp, baglap çykmak, baglaşdyryp goýmak. *Köwşüň bagjyklaryny daňyşdyrmak.*

**DAŇYŞMAK**, *işl*. **1**. Daňmaga kömekleşmek. **2**. Bilelikde daňmak. *Lukmanlar ýaralylaryň ýarasyny daňyşyp durdular.*

**DAŇÝYLDYZ** [daňýyllyz], *at*. Daňyň öň ýanynda dogýan ýyldyz.

**DAR** [da:r] **I**, *syp*. **1**. Ini giň bolmadyk, insiz. *Dar köçeler giňeldi.* **2**. Syrlaşyp duran, gysyp duran, örän gysby. *Ol dar balak geýeni halamaýarmyş* (N. Saryhanow). **3**. Göwrüm taýdan kiçi, uly bolmadyk. *Dar otag.* **4.** *dil.b*. Agyz boşlugynda howa ýolunyň has daradylmagy bilen aýdylýan çekimliler: y-i, u-ü sesleri. *Dar çekimlileriň ýazuw düzgüni.* **5.** *dil.b*. Goşulan sözüniň manysy bilen baglylykda şahs aňladýan söz ýasaýjy *–dar* goşulmasy. *Minnetdar. Hyrydar. Paýdar*. **6**. *göç.m.* Çäkli, her taraply bolmadyk, bir taraply. *Dünýägaraýşy dar adam.* **7**. *göç.m.* Ulanylyş gerimi çäkli. *Bu sözüň ulanylyş gerimi dardyr*.

◊ **Dar gursak (ýürek) bolmak** gaharjaň, oýna-çyna ýaramazlyk, gyzma bolmak.

**DAR** [da:r] **II**, *at, taryh.* Ölüm jezasy berleni asyp öldürmek üçin dikilip ýasalýan enjam.

◊ **Dara çekmek** dar agajyndan asyp öldürmek, dardan asyp jezalandyrmak. *Meni Ybrahym dek ýaksalar nara, Mansur kimin meni çekseler dara* ("Görogly"). **Dar agajy** jezalandyrylmaly adamy asmak üçin gurlup goýlan enjam. *Nejep jan dar agajyň astynda boýnuny burup, şol ýerde bir bäş keleme söz aýdar gerek* ("Nejep oglan"). **Dardan asmak** *ser.* **Dara çekmek**.

**DARABERMEK** [dara:vermek], *işl*. Darap başlamak, darap ugramak. *Eliňe başdarak al-da, basyňy darabersene!*

**DARABERMEK** [da:ra:vermek], *işl*. Abyr-zabyr edip, darap başlamak, darap ugramak. *Beýle gaty daraberme, ýuwaşlyk bilen düşündirseň hem bolar*.

**DARA-DIRE** [da:ra-di:re], *at.* Gyssagara, gyssagly, howul-hara. *Dara-direde işleriňi gutaryp bilmersiň.*

**DARA-DIRELIK** [da:ra-di:relik], *at*. Gyssagaralyk, gyssaglylyk, howul-haralyk. *Şol dara-direlikde onuň diline geleni şu boldy* (R. Gelenow).

**DARADYLMAK**, *işl.* Daratmaga berilmek, daradyp taýyn edilmek. *Keçelik ýüňler daradyldy.*

**DARADYLMAK** [da:radylmak], *işl*. Çapyşykdan öň we soň synag üçin ýakyn aralyga çapdyryp geçmek (at hakynda). *Çapyljak atlar ilki gordurylýar, daradylýar.*

**DARAGT** [darağyt], *at*. Ösüp oturan agaç, bag.

◊ **Nesil daragty** milletiň, aýry-aýry adamlaryň şejeresi, gelip çykyşy. *Türkmenleriň nesil daragty.*

**DARAK**, *at*. **1**. Saç daramak üçin ulanylýan diş-diş gural, başdarak, şana. *Daragyny alyp bukja saldy* ("Görogly"). **2**. Dokma dokalanda çitilen çitimleri, geçirilen argaçlary berkleşdirmek üçin kakylýan demir dişli saply gural, dokma senedi. *Dokma daragy.* **3**. Ýüň daramak üçin üçburç enjamyň ýokarsyna iki setir uzyn dişler oturdylan gural, ýüň darak. *Ejesi ýene ýüň daragy öňüne alyp daramaga başlady*. **4**. Tara dokalanda matanyň syk bolmagy üçin ulanylýan gural, saz.

**5**. Bäşataryň, sapançanyň birnäçe okuny saklaýan guta meňzeş bölegi.

◊ **Darak kakmak (urmak)** halynyň we ş.m. çitimini berkitmek üçin daraklamak. *Halynyň üstünde oturan gelin başyny galdyrman, daragy batly-batly kakýardy.*

**DARAKDIŞ** [darakdi:ş], *at*. Ýüň daralanda daragyň dişlerinde galýan galyndy.

**DARAKLABERMEK** [darakla:vermek], *işl*. Daraklap başlamak, daraklap ugramak.

**DARAKLAMA**, *iş ady.* Daraklamak ýagdaýy.

**DARAKLAMAK**, *işl*. **1**. Dokma dokalanda çitilen çitimleri, geçirilen argaçlary berkitmek, syk bolar ýaly edip darak urmak, darak kakmak. **2**. *gepl.d.* Saçy, sakgaly darak ýa-da barmaklar bilen daramak. – *Näme-de bolsa, başymyza gelenini görübermeli bolandyr, başga gidere ugur ýokdur, batyr – diýip, Gandym aksakgal özüniň bäş barmagy bilen ak sakgalyny daraklady* (A.Gowşudow).

**DARAKLAÝYŞ**, *iş ady.* Daraklamak ýagdaýy.

**DARAKLYK I**, *at*. Dabanyň üzeňňilikden barmaklara çenli bolan bölegi. *Ol daraklygyna basyp, köwşüni geýdi*.

**DARAKLYK II**, *at, haýwanat d*. Ýaşyl, mawy ýelekli, çüňki uzyn we guýrugy darak ýaly ýazylyp duran guş.

**DARALDYBERMEK** [da:raldyvermek], *işl*. Birden daraldyp başlamak, daraldyp ugramak. *Giň bolar diýdiňmi? Giň bolsa daraldybereris*.

**DARALDYLMAK** [da:raldylmak], *işl*. Dar edilmek, öňküsinden kiçeldilmek, insiz edilmek, kemeldilmek, gysylmak. *Gowaçany daraldylan hatarlar boýunça ekmek.*

**DARALMA** [da:ralma] **I**, *iş ady.* Daralmak ýagdaýy. *Kejebämiň daralmasynyň sebäbine onçakly düşünemok.*

**DARALMA** [da:ralma] **II**, *iş ady.* Daralmak ýagdaýy.

**DARALMAK**, *işl*. Darakdan geçirilmek, darap arassa edilmek (ýüň hakda).

**DARALMAK** [da:ralmak] **I**, *işl*. **1**. Dar bolmak, öňküsinden kiçelmek, girmek. **2**. Insiz bolmak, kiçelmek. *Köýnek ýuwlandan soň daralypdyr*. **3**. *göç.m., ser.* **Darykmak**. *Her bir bolgusyz gürrüň üçin daralmaň, giň boluň!*

**DARALMAK** [da:ralmak] **II**, *işl*. **1** Ýakyn aralyga çapylyp geçilmek (at hakynda). *Ikibaka daralan atlar sojaşyp durdular*. **2**. Hüjüm edilmek, çozulmak. **3**. *göç.m.* Käýelmek, ýazgarylmak, käýinç astyna alynmak.

**DARALTMAK** [da:raltmak], *işl*. **1**. Dar etmek, öňküsinden kiçi, insiz etmek (geýim hakynda). *Ol köýneginiň bilini daraltdy*. **2**. Göwrümini in taýyndan gysmak, insiz etmek, göwrüm taýdan kiçeltmek. *Soňky salnan jaý howlyny daraltdy*.

**DARALYŞ** [da:ralyş], *iş ady.* Daralmak ýagdaýy.

**DARAMA**, *iş ady.* Daramak ýagdaýy.

**DARAMA** [da:rama], *iş ady.* Daramak ýagdaýy.

**DARAMAK**, *işl*. **1**. Darak ýa-da barmak bilen saça, sakgala timar bermek. *Darak bilen sakgalyny darady* (T. Taganow). **2**. Ýüňi, çöpüri we ş.m. ýüň daragyndan geçirip arassalamak. *Olaryň biri çöpür darap, pişge edip ýetişdirýär* (A. Durdyýew).

**DARAMAK** [da:ramak], *işl*. **1**. Ýakyn aralygy çapyp geçmek (at hakynda). *Söweş güni darasaň boş köpük seçer, Goç ýigidiň aty däli gerekdir* ("Görogly"). **2**. Hüjüm etmek, çozmak, hyjuwly topulmak; ýapyşmak. *Duşmanlara gazap bilen daraýar, Gurt deýin topulýan edermen ýigit* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç.m.* Gaharly käýemek, ýazgarmak, abyr-zabyr etmek. *Ýaş çagany beýle zabun daramak bolmaz.*

**DARAMAKLYK**, *iş ady.* Daramak ýagdaýy.

**DARAMAKLYK** [da:ramaklyk], *iş ady.* Daramak ýagdaýy.

**DARANMAK**, *işl*. **1**. Öz saçyňy daramak, saçyňy darap, tertibe salmak. *Kä daranyp, uz ýörişläp, Bizden ki uýat eýleýir* (Magtymguly). *Ýakdyň pany jahany, göz astyndan garanyp, Ertir-agşam çykar sen, tawus kimin daranyp* (Mollanepes). **2**. Özüň üçin ýüň daramak. *Garry ene darakda özi üçin bir-iki pişge ýüň darandy.*

**DARANYBERMEK** [daranyvermek], *işl*. Daranyp başlamak, daranyp ugramak.

**DARANYŞMAK**, *işl*. Birnäçe gyzlaryň öz saçyny daramagy. *Gyzlar saçlaryny daranyşýardylar.*

**DARAŞDYRMAK**, *işl*. Darap, timarlap, arassalap çykmak. *Ol barmaklary bilen sakgalyny daraşdyrdy.*

**DARAŞMAK**, *işl*. **1**. Daramaga, darap arassalamaga kömekleşmek. *Ejem goňşymyza ýüň daraşdy.* **2**. Bilelikde daramak. *Gyzlar başlaryny daraşyp otyrdylar.*

**DARAŞMAK** [da:raşmak] **I**, *işl*. Ýakyn ara at salyp, çapyşyp geçmek, çapyşmak.

**DARAŞMAK** [da:raşmak] **II**, *işl*. **1**. Hüjüm etmek, okgunly hereket etmek. **2**. Daramak, ýüzüni almak. *Ýowuz daraşmak.*

**DARATMAK**, *işl*. Daramak işini başga birine etdirmek. *Ýüň daratmak. Çöpür daratmak. Gyzjagaz höçjetlik edip, ejesine saçyny daratdy.*

**DARATMAK** [da:ratmak], *işl*. Aty batly çapdyryp geçmek. *Öňatlylar atlaryny okkesdirme daradyp geçdiler*.

**DARAW-DARAW** [darow-darow], *syp*. Ýyrtym-ýyrtym, jyrrym-jyrrym, bölek-bölek (mata, matadan tikilen zatlar barada).

**DARAÝY** [dara:ýy], *at*. Erşi gyzyl, argajy ýaşyl, gyzyl-ýaşyl öwsüp duran syk, tarada dokalýan ýuka ýüpek mata. *Seniň geýjegiň atlaz, daraýy, Jaýyň jennet*

*bolsun köşki-saraýy* ("Saýatly – Hemra"). *Depeler--düzler, baýyrlar-jülgeler daraýy don geýip, ýaşyl ýapyn-ja bürenipdir* ("Türkmenistan").

**DARAÝYŞ**, *iş ady.* Daramak ýagdaýy.

**DARBAZ** [darva:z], *at*. Dartylan ýüpüň, simiň üstünde oýnaýan oýunçy. *Darbazlaryň çykyşy has hem gyzykly boldy*.

**DARBAZLYK** [darva:zlyk], *at*. Darbazyň käri, kesbi, ýagdaýy.

**DARGA** [darğa], *at*. **1**. Deňiz, derýa ýakasynda gerişleri, eginleri bilen gämini çekýän adam. **2**. Ýük çekilýän gaýygy, gämini sürýän adam; gämiçi. *Darga dur rulda, Bakyp eserdeň* (Ý. Pirgulyýew).

**DARGADYLMAK** [dargadylmak], *işl*. Pytra-dylmak, çalam-çaş edilmek, dumly-duşa çaşyrylmak.

**DARGADYŞDYRMAK** [darğadyşdyrmak], *işl*. Dagadyşdyrmak, dagadyşdyryp çykmak, pytradyş-dyrmak. *Arabadyr maşyn bilen dökülen dersleri daýhanlar ekin meýdanyna dargadyşdyrdylar.*

**DARGALYK** [darğalyk], *at*. Darganyň käri, kesbi, işi. *Ol köp ýyllar Amyderýada gämi bilen gatnap, dargalyk eden adamdy* (M. Hydyrow).

**DARGAMA** [darğama], *iş ady.* Dargamak ýagdaýy.

**DARGAMAK** [darğamak], *işl., ser.* **Dagamak**.

**DARGAMAKLYK** [darğamaklyk], *iş ady.* Dar-gamak ýagdaýy.

**DARGAŞMAK** [darğaşmak], *işl., ser.* **Dagaşmak**. *Adamlar birden dargaşdy*.

**DARGATDYRMAK** [darğatdyrmak], *işl*., *ser.* **Dagatmak**.

**DARGATMAK** [darğatmak], *işl., ser.* **Dagatmak**. *Gapyllykda duşman aldy daşymyz, Dargatdy her ýana deňi-duşumyz* (Magtymguly).

**DARGAÝYŞ** [darğaýyş], *iş ady.* Dargamak ýag-daýy.

**DARGURSAK** [da:rğursok], *syp.* Sähel zat üçin daralýan, ynjalyksyz, gahary tiz gelýän, sabyr-takatsyz.

**DARGURSAKLYK** [da:rğursokluk], *at.* Dargursak häsiýetlilik.

**DARGYL** [darğyl], *syp. gepl.d.* Goňrumtyl-sary reňk. *Dargyl sygyr*.

**DARKA: darka ýarylmak** sesli ýarylmak, birden çat açmak, ikä bölünmek. *Badymyzdan daglar ýarylýar darka, Okap, gurup göwni şatlap barýarys* (M. Myşşyýew).

**DARKAŞ**, *at.* Iki adamyň arasynda aňrybaş derejedäki garpyşyk, dartgynly ýagdaý, okly-gökli bolmaklyk.

**DARKA-DARKA: darka-darka ýarylmak** bölek-bölek bolup ýarylmak, birnäçe ýerinden çat açmak, bölünmek. *Onuň kätmeniniň aşagynda ýerler darka-darka ýarylyp, öz-özi agdarylyp barýan ýalydy* (A. Durdyýew). *Onuň dabanynyň aşagy darka-darka ýarylypdyr.*

**DARLYK** [da:rlyk], *at.* **1**. Gysbylyk, syrlaşyp durmaklyk, kiçilik (aýakgap, geýim hakynda). *Kyrkynjy ölçegli köwüş oňa darlyk etdi*. **2**. Göwrümi, meýdany boýunça giň dällik, kiçilik, insizlik. *Täze jaýa göçdük, öňki darlyk edýärdi.*

**DARSDABAN** [daryssa:van], *syp.* Darsyldap, hasanaklap çalt hereket edýän, otlukly ýaly hemme ýere ýetişýän (aýal). *Bir darsdaban-a gelip gitdi.*

**DARSDABANLYK** [daryssa:vanlyk], *at.* Darsdabana mahsus gylyklylyk. *Darsdabanlygyndan, irimçikliginden başga ýüz keşbinde-de bir çalymdaş ýerleri bar ýalydy* (Ý. Mämmediýew).

**DARS-DARS** [darys-sarys], *s. ş. aňl. söz.* Darsyldap ýörelende çykýan ses.

**DARSYLDABERMEK** [darsylla:vermek], *işl*. Darsyldap ugramak, darsyldap başlamak.

**DARSYLDAMA** [darsyllama], *iş ady.* Darsyldamak ýagdaýy.

**DARSYLDAMAK** [darsyllamak], *işl*. Batly, çalasyn hereket etmek, dars-dars edip gaty ýöremek. *Darsyldap bardy-da birden, Ak telpegi bir ýan pyzdy* (N. Baýramow).

**DARSYLDAMAKLYK** [darsyllamaklyk], *iş ady.* Darsyldamak ýagdaýy.

**DARSYLDAŞMAK** [darsyllaşmak], *işl*. Birnäçe bolup dars-dars edip, otlukly ýaly ýöremek, bilelikde darsyldamak. *Gyzyl çog bolşup bezenen gelin-gyzlar darsyldaşyp ýörseler-de, olaryň ýüzlerindäki ynjyny saýgarmak bolýardy* (B. Gulow).

**DARSYLDAÝYŞ** [darsyllaýyş], *iş ady.* Darsyl-damak ýagdaýy.

**DARSYLDY** [darsylly], *at*. Batly, çalasyn hereket edilende, ýörelende çykýan sesiň ady. *Onuň dabanynyň darsyldysy ilerki hatardan gaýraky hatara baryp ýetdi* (B. Kerbabaýew).

**DARTAŇ** [da:rtaň], *syp., gepl.d.* Darrak, dar bolýan. *Dartaň geýim*.

**DARTDYRMAK** [darytdyrmak], *işl*. **1**. Dartmak hereketini, işini başga birine etdirmek, çekdirmek. *Öz güýji ýetmänsoň, urgany kakasyna dartdyrdy.* **2**. Çekmek, dartmak. *Näme haýal edýärsiň, ony tiz tüýnük ýüpe dartdyryp daň* (A. Gowşudow).

**DARTDYRYBERMEK** [darytdyryvermek], *işl*. Dartdyryp ugramak, dartdyryp başlamak.

**DARTGY** [darytgy], *at*. Çekiniň halkasyndan geçirilip berkidilýän ýasy gaýyş. *Çekiniň bir ujunda halkasy bolsa, ikinji ujunda dartgy gaýyşy bolýar.*

**DARTGYN** [darytgyn], *at*. **1**. Dartylyp, çekilip duran. *Damarlaryň dartgyny*. **2**. *göç.m*. Has ýitileşen, barjak derejesine baran. *Sadabyň hem içki dartgyny gowşan ýaly boldy* (G. Kulyýew).

**DARTGYNLY** [darytgynly], *syp*. Dartgyn ýagdaýda bolan, has ýitileşen, barjak derejesine baran, gowşamaýan, güýjeýän. *Dartgynly ýagdaý*.

**DARTGYNLYK** [darytgynlyk], *at, ser*. **Dartgynlylyk**. *Dartgynlygy gowşatmak*.

**DARTGYNLYLYK** [darytgynlylyk], *at*. Dartgynly ýagdaýda bolmaklyk, bir wakanyň, hadysanyň ýitileşen ýagdaýy. *Onuň häzir agzybirlik bize hemme zatdan zerurdyr diýen sözi jaýyň içiniň dartgynlylygyny gowşatdy* (B. Seýtäkow).

**DARTMA** [darytma] **I**, *iş ady*. Dartmak ýagdaýy.

**DARTMA** [darytma] **II**, *at*. Jykyra suw geçirýän ýapjagaz.

**DARTMAK** [darytmak], *işl*. Çekip özüňe tarap süýşürmek, golaýlatmak, güýç bilen çekmek.

**DARTMAKLYK**[darytmaklyk], *iş ady*. Dartmak ýagdaýy.

**DARTY**, *at*. **1**. Dokmanyň erşiniň arasyny açyp, argajyny alyşdyrmak üçin ulanylýan agaç gural. *Ondan soň baslyk ötürip, dartysyny berk çekdi-de, darak urmaga oturdy* (B. Kerbabaýew). **2**. Çöwşi ýüpi towlanýan agaç ýa-da demir.

**DARTYBERMEK** [dartyvermek], *işl*. Dartyp başlamak, dartyp ugramak.

**DARTYLMAK**, *işl*. **1**. Çekilmek, süýşürilmek, golaýladylmak, güýç bilen çekilmek. *Onuň tamdyrasynyň kirişleri dartyldy* (A. Gowşudow). **2**. Çekilip durmak (geýim hakynda). *Men geýim geýsem kiçi bolýar, ýeňleri, gonçlary dartylyp dur*.

**DARTYLYBERMEK** [dartylyvermek], *işl*. Dartylyp başlamak, dartylyp ugramak. *Sim hem dartylyberse, inçelip üzülýär*.

**DARTYŞ**, *iş ady*. Dartmak ýagdaýy. *Watanyň özüne dartyşy ýaly güýç hiç ýerde ýokdur*.

**DARTYŞDYRMAK**, *işl*. Pugta çekişdirmek, çekişdirip çykmak. *Arçyn ýasgynjak atynan donuny egnine dartyşdyrdy* (A. Gowşudow).

**DARTYŞMAK**, *işl*. **1**. Dartmaga kömek etmek, çekmäge kömekleşmek. **2**. *göç.m*. Dawalaşmak, oňuşmazlyk, çekeleşmek. *Iň soňunda ýeke çüý üstünde dartyşdylar* (B. Kerbabaýew).

**DARTYŞYK**, *at*. Bir zat ýa-da bir mesele üstünde bolýan çekeleşik, dawa.

**DARY**, *at. ösüml.d*. **1**. Däneliler maşgalasyna degişli köp baldakly, insiz uzyn ýaprakly, başy sübseligiň başy ýaly seçelenip duran ekilýän bir ýyllyk ösümlik. *Serçeden gorkan dary ekmez* (Nakyl). **2**. Şol ekiniň sary ownuk dänesi, hasyly. *Ajygan towuk düýşünde dary görer* (Nakyl).

**DARYGYBERMEK** [da:ryğyvermek], *işl*. Darygyp başlamak, darygyp ugramak. *Giňräk bol, darygyberme*.

**DARYKDYRMAK** [da:rykdyrmak], *işl*. Ýüregini, içini gysdyrmak, bir zat üçin gussalandyrmak, gysyndyrmak. *Meniň esli wagt oýlanyp durmagym ýaşulyny birneme darykdyran bolmaga çemeli* (B. Pürliýew).

**DARYKMA** [da:rykma] *iş ady*. Darykmak ýagdaýy.

**DARYKMAK** [da:rykmak], *işl*. Ýüregiň, içiň gysmak, bir zat üçin gyssanmak, gysynmak. *Gurban darykmady, öňki sowukganlylygy bilen gürledi*.

**DARYKMAKLYK** [da:rykmaklyk], *iş ady*. Darykmak ýagdaýy.

**DARYKMAZLYK** [da:rykmazlyk], *iş ady*. Içiň gysmazlyk, bir zat üçin gyssanmazlyk, gysynmazlyk, darygyp durmazlyk. *Nargül darykmady, şol öňki sowukganlylygy bilen gepledi* (S. Myradow).

**DARYM** [da:rym], *at*. Ýakyn aralyga darama, darap geçme (at hakynda). *Agşam şöwür çeken, garny hepbik ýaly atlar ikiýanlaýyn serhet gurap oturan adamlaryň arasynda darym edýärdi* (B. Kerbabaýew).

◊ **Darym toýy** uly toýdan öň geçirilýän geňeş toýy.

**DARYŞGAN** [da:ryşğan], *syp*. Göwrümi, ululygy boýunça darlyk edýän, kiçilik edýän, giň däl, darrak.

**DARYŞGANLYK** [da:ryşğanlyk], *at*. Göwrüm, ululyk taýdan darlyk, giň dällik. *Myhman gelende ýerimiz daryşganlyk edýär diýip, ondan-mundan agaç tapyp, tamyň gapdalyndan bir çatma dikipdi* (A. Gowşudow).

**DARYTMAK** [da:rytmak], *işl*. Ýakyn aralyga çapdyryp geçmek. *Çapyksuwar Gyrsakary darydyp gelenden soň, ony birsalym gezdirdi-de, ýatagyna eltip daňmakçy boldy* ("Edebiýat we sungat").

**DAŞ I**, *syp*. Uzak, alys, golaý däl. *Daş ýer*.

◊ **Daşdan aýlamak** gyzyklandyrýan meseläniň üstünden barman, şonuň bilen gytaklaýyn, kem-käsleýin baglanyşykly bolan zat hakda söz açmak, gürlemek. *Bu ýyl daýhanlaryň girdejisi gowy boldy - diýip, Söýün aga gürrüňi daşdan aýlap başlady* (T. Taganow). **Daşdan görmek** öňden görmek, öňünden bilmek, aňlamak. *Ba-aý, walla, senem örän daşdan görýärsiň-ow!* (B. Kerbabaýew). **Daşdan gözle** başga ýerden gözle, seniň gözleýän adamyň bu ýerde ýok. *Nä maksada geldiň, dogryňy sözle, Aldajak adamyň git daşdan gözle* (A. Köpekmergen). **Daş düşmek** kada-kowahada laýyk gelmeýän iş etmek. *Pelek asyýasyn bikarar kylmyş, Namysdan daş düşüp, hakdan uýalmyş* (Magtymguly). **Daş etsin** hudaýym ýaramaz zada ýanaşdyrmasyn,

erbetçilikden gorap saklasyn. *Daş etsin, şeýle diýmäge neneň diliň barýar?* **Daş gulakdan eşitmek** başgalardan eşitmek, başga kişiden eşitmek. *Ol hakynda men daş gulakdan kän eşitdim* (N. Saryhanow).

**DAŞ II**, *at*. **1**. Bir zadyň içki ýüzi däl-de, daşky ýüzi, tarapy. *Käsesindäki çaýy çäýnegine guýjak bolanda, daşyna dökdi* (B. Kerbabaýew). **2**. Jilt, sahap. *Kitabyň daşy zer bilen oňat bezelipdir*. **3**. *ser.* **Daşary I**. *Şirin geleniň kimdigini bilmek üçin daş çykdy* (B. Pürliýew). **4**. Töwerek, ýan. *Onuň daşynyň adamsyz wagty ýok.*

◊ **Daş işik** öýüň, jaýyň öňi, öň ýüzündäki ýer. **Daşy jäjek**, **içi möjek** süýji sözli, güler ýüzli, içiňe-daşyňa geçip barýan, hakykatda bolsa pis, içigara (adam). **Daşyna geçmek** orta alyp gyssamak, gyssap ugramak. **Daşynda aýlanmak** *ser.* **Daşynda kebeleklemek**. *Pyrran aýlanyp daşynda, Sakladyň sen gözden, dilden* (Ç. Aşyr). **Daşynda kebeleklemek 1)** yhlasly hyzmat etmek, ölüp-öçüp barmak. *Ol syrkawyň daşynda kebelekleýärdi*. **2)** birine ýaranjak bolmak, biriniň göwnüni tapjak bolmak. Kebelekläp daşynda, kän aýlandy ol onuň (A. Kekilow). **Daşyndan guwanmak** kesesinden guwanmak, guwanjyňy guwanylýan adama bildirmän guwanmak. *Ine, bu gyz daşyňyzdan guwanyp, sizi söýüp ýör* (A. Nazarow). **Daşyny dolamak 1)** goldamak, kömek bermek, alada etmek. *Onsoň meşhur sazanda saz bilen daşyny dolap otursa, Batyr bagşynyň aryp-ýadamasy bolmazdy* ("Edebiýat we sungat"). **2)** *gepl.d.* Gerek-ýarak zadyny üpjün etmek, geýim-gejim etmek. *"Daşyny dolaň-da, gyzymyzy haýsy gün isleseňiz, sähedini bermäge taýyn" – diýip, guda boljaklara anyk jogap berdi.* **Daşyňa çykarmazlyk** içki duýgyňy aýan etmezlik, hiç kime hiç zat bildirmezlik, aýtmazlyk. *Baş inženeriň işi oňarýandygyna begense-de, daşyna çykarmady* (Ş. Borjakow). **Daşyňa göz aýlamak** daş-töweregiňe seretmek, nähili, neneňsiligine göz ýetirmek. *Daşymyza göz aýlaýyn, Entek ine-gana men* (B. Hudaýnazarow).

**DAŞ** [da:ş], *at*. **1**. Tokga ýa-da tutuş gaty jisimden ybarat, suwda eremeýän, pytramaýan, süýnmeýän dag jynsy. **2**. Şol dag jynsynyň bir tokgasy, bölegi. *Onuň içindäki düňderilişip ýatan daşlar-da sil suwunyň joşgunly gelýänini habar berýärdi* (B. Kerbabaýew).

◊ **Daş basan** dogumly, edenli, köpi gören. *Olar entek meniň daş basan garrydygymy bilmeýärler* (A. Durdyýew). **Daş bilen urany aş bilen ur** ýamanlyk edene ýagşylyk et. *Meniň günämi geç, hormatly söwdagär, men guýuda uklap galaýypdyryn – diýip, "daş bilen urany, aş bilen ur" diýenlerini etdi* (Halk ertekisinden). **Daş bol!** gymyldaman, doňan ýaly bolup dur (ýaşajyk çagalara aýdylýan söz). **Daş deşen** *ser.* **Daş basan**. *Oglum, sen bu ýigitler ýaly daş deşen däl ahyry* ("Edebiýat we sungat"). **Daş düşen ýerinde galsyn** erbet zat dörän ýerinden başga ýere ýaýramasyn. *Bir ýerde bolmasy işiň bolanyny eşiden garry ene "Daş düşen ýerinde galsyn!" diýip, sag elini ýakasyna ýetirdi.* **Daş guýy** örümi daşdan, kerpiçden edilen guýy. *Daş guýynyň opurylma howpy az bolýar.* **Daş kädi** kädiniň daşy gaty görnüşi. **Daş köçe (ýol)** daş düşelen köçe (ýol). *At toýnagynyň sesleri darajyk daş köçäniň depesinde günleç seslenýärdi.* **Daş kömür** gazylyp alynýan gaty ýangyjyň bir görnüşi. **Daş ýürek** rehimsiz, şepagatsyz. *Daş ýüregi eretmäge, Baldan şirin söz gelipdir* (Magrupy).

**DAŞABERMEK** [daşa:vermek], *işl.* Daşap başlamak, daşap ugramak.

**DAŞALMAK**, *işl.* Bir ýerden ikinji bir ýere çekilmek, äkidilmek, getirilmek, eltilmek. *Ýük daşalmak.*

**DAŞAMA**, *işl.* Daşamak ýagdaýy.

**DAŞAMAK**, *işl.* Ýüki we ş.m. bir ýerden ikinji bir ýere çekmek, äkitmek, getirmek, eltmek. *Ýük daşamak.*

**DAŞAMAKLYK**, *iş ady.* Daşamak ýagdaýy.

**DAŞANMAK**, *işl.* Özi üçin daşamak, çekmek, daşap äkitmek.

**DAŞARKY**, *syp.* Öýdäki däl, daşarda ýerleşen, daşardaky, daşky; ýurduň daşyndaky.

**DAŞARY I**, *at.* **1**. Jaýyň daş tarapy, daşy, howly, açyk ýer. *Daşary diýseň sowukdy*. **2**. *syp.*Ýurduň içine degişli däl-de, daşyna degişli. *Daşary syýasat. Daşary işler ministrligi.*

◊ **Daşary ýurt** başga ýurt. *Daşary ýurt dili. Daşary ýurt harydy.* **Daşary ýurtly** başga ýurduň raýaty. *Soňky döwürde Türkmenistana daşary ýurtlular köp gelýär.*

**DAŞARY II**, Bellenen mukdardan daşgary, daşgyn, artykmaç, artyk, agdyk, köp. *Şu aýda hojalyk borçnamadan daşary önüm bermek baradaky borçnamanyň üçden birine barabar önüm işläp çykardy.*

**DAŞARYK** [daşary:k], **1**. Daş tarapa, öýden daşary. *Hany, oglum daşaryk çykyp gör, ýagyş heniz hem ýagýarmy?* **2**. Ýurduň daşyna, daşary ýurda. *Türkmenistanyň çäklerinden daşaryk satylýan tebigy gaz halkymyz üçin uly girdejidir.*

**DAŞAŞMAK**, *işl.* **1**. Daşamaga kömek etmek, getirişmek, äkidişmek, çekişmek, eltişmek. *Men Orazlara odun daşaşdym.* **2**. Birnäçe bolup daşamak. *Oglanlar arkalary haltaly garpyz daşaşyp ýördüler*.

**DAŞATMAK**, *işl.* Bir ýerden ikinji bir ýere eltdirmek, äkitdirmek, çekdirmek, daşamak işini başga birine etdirmek, daşamaga mümkinçilik bermek, daşamaga mejbur etmek.

**DAŞAÝYŞ**, *iş ady.* Daşamak ýagdaýy.

**DAŞBAG** [da:şva:ğ], *at.* Toruň düýbüne berkidilýän agramlygy daňmak üçin ulanylýan ýüpjagazlar. *Daşbag bilen tora agramlyk berkidilýär.*

**DAŞBASMA** [da:şvasma], *at*. Daşyň ýüzünden çap etmek usuly we şol usul bilen çap edilen surat, kitap.

**DAŞDEŞEN** [da:şdeşen], *at, haýwanat d*. Daşdeşen şekilliler toparyna degişli guşlaryň maşgalasyndan bolan berk, göni çüňkli guş. *Daşdeşen gür tokaýda, Kiçiräk agaç öýde, Dükanyny gurupdyr* (K. Taňrygulyýew).

**DAŞ-DIŞ** [da:ş-di:ş]**: daş-diş bolmak** diş-dyrnak bolup gazanmak, kynçylyk bilen güzeran görmek.

**DAŞDYRMAK** [da:şdyrmak], *işl*. **1**. Daşmaga mümkinçilik bermek, daşyp akdyrmak, joşdurmak (suw hakynda). **2**. *göç.m.* Güýçli duýgy döretmek, ylhamy artdyrmak. *Onda-da ony ýönekeý adamlaryň döredijilikli zähmeti daşdyrýardy.*

**DAŞGARY** [daşğary], *syp*. **1**. *ser*. **Daşary II**. *Häzir köp daýhan birleşigi borçnamadan daşgary pagta tabşyrýar*. **2**. Başga, özge. *Mundan daşgary-da, dürli ýükli kuwwatly gämiler türkmen kenarlaryna kadaly gelip gidýärler* ("Türkmenistan").

**DAŞGYN** [da:şğyn], *at*. **1**. Suwuň joşup, kenardan agmagy; joşgun. *Daşgyn derýa dek gaýnasam, Mansur dek darda oýnasam, Kaknus kimin ot çeýnesem, Taparynmy, balam seni?* ("Hüýrlukga – Hemra"). **2**. Oglana dakylýan at.

**DAŞGYN** [daşğy:n] **I**, *syp., ser.* **Daşary II**. *Mekdepden daşgyn geçirilýän işlere özüne degişli bolmadyk, bolgusyz bir iş hökmünde garaýardy* (A. Gowşudow).

**DAŞGYN** [daşğy:n] **II**, *syp*. Golaý, ýakyn bolmadyk, garyndaşlyk taýdan daş, ýakyn däl. *Ýygnanyşdy obadaşlar, Içginler hem daşgynlar* (K. Gurbannepesow).

**DAŞGYNLY** [da:şğynly], *syp*. Kenardan agjak bolup durýan, joşup durýan; joşgunly.

**DAŞGYNLYK** [da:şğynlyk] **I**, *at*. Daşyp durmaklyk, joşup durmaklyk.

**DAŞGYNLYK** [daşğy:nlyk] **II**, *at*. Golaý dällik, garyndaşlyk taýdan ýakyn dällik.

**DAŞ-IÇ**, at. Daşary-içeri, girim-çykym. *Garram bolsa, heniz-ä daş-içini oňarýar.*

**DAŞKY**, *syp*. **1**. Içki däl-de onuň daş tarapyndaky ýa-da daşaryk çykylýan ýerde ýerleşýän. *Daşky gapy. Daşky otag*. **2**. Bir zadyň daş görnüşi, daş tarapy, daş ýüzi. *Nebitçiniň iş wagtynda daşky görnüşi haparak, geýim-gejimi gäzliräk bolsa-da, ynsaby aýna ýaly durudyr* (B. Kerbabaýew). **3**. *ser*. **Daşgyn II**. *Beýlekisi hem Aşyryň daşkyrak ýeňňeleriniň biridi* (B. Gulow).

◊ **Daşky gulakdan eşitmek** *ser.* **Daş I: daş gulakdan eşitmek**. *Gudaçylyga gelenlerini daşky gulakdan eşidipdi* (B. Kerbabaýew).

**DAŞLABERMEK** [da:şla:vermek], *işl*. Daşlap başlamak, daşlap ugramak.

**DAŞLAMA**, *iş ady*. Daşlamak ýagdaýy.

**DAŞLAMA** [da:şlama], *iş ady*. Daşlamak ýagdaýy.

**DAŞLAMAK**, *işl*. Bir zadyň daşyna daş etmek, daş çekmek, daş tikmek; gaplamak. *Ýassygy daşlamak. Ýorgany gülli setinden daşlamak*.

**DAŞLAMAK** [da:şlamak], *işl*. **1**. Bir zady urmak üçin daş böleklerini atmak, zyňmak. *Oglanlar derrew daşlap, taýaklap ýylany öldüripdirler* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. Daş bilen örtmek, daş düşemek.

**DAŞLAMAKLYK** [daşlamaklyk], *iş ady*. Daşlamak ýagdaýy.

**DAŞLAMAKLYK** [da:şlamaklyk], *iş ady*. Daşlamak ýagdaýy.

**DAŞLANMAK**, *işl*. Bir zadyň daşyna daş edilmek, örtük edilmek, jilt edilmek.

**DAŞLANMAK** [da:şlanmak], *işl*. Özüňe tarap daş zyňylmak, kimdir biri tarapyndan özüňe daş zyňylmak.

**DAŞLAŞDYRMAK I**, *işl*. **1**. Bir ýerden ýa-da bir zatdan uzaklaşdyrmak. **2**. *göç.m*. Esasy meseleden başga ýana sowmak, çetleşdirmek.

**DAŞLAŞDYRMAK II**, *işl*. Birnäçe zadyň daşyna daşlyk çekmek, daşlap çykmak. *Ýassyklary daşlaşdyryp çykmak.*

**DAŞLAŞMAK I**, *işl*. **1**. Bir ýerden ýa-da bir zatdan uzaklaşmak. *Onuň sesi kem-kemden daşlaşdy.* **2**. *göç.m*. Esasy meseleden uzaklaşmak, çetleşmek.

**DAŞLAŞMAK II**, *işl*. Ýorgan-ýassyklary daşlaşmak, daşlamaga, daşlamak hereketini ýerine ýetirmäge birine kömekleşmek.

**DAŞLAŞMAK** [da:şlaşmak], **1**. *işl*. Daş düşemäge kömek etmek. **2**. Bilelikde daş düşemek. **3**. Birnäçe bolup bir zady daşlamak, bir zada daş zyňmak. *Ataly ogul sürüsi bilen üzümçilige gonan garasarlary daşlaşyp durlar*. **4**. Biri-birine daş zyňmak, daş atmak. *Garry ene daşlaşyp duran agtyklaryny görüp, olara käýedi.*

**DAŞLATMAK**, *işl*. Daşlamak işini başga birine etdirmek. *Ýassyk daşlatmak.*

**DAŞLATMAK** [da:şlatmak], *işl*. **1**. Daşlamak hereketini başga birine etdirmek; daşlamaga mejbur etmek. *Ekabyrrak oglanlaryň birine ykmanda itleri daşladyp kowduraýmasam boljak däl öýdýän.* **2**. Daşlamaga mümkinçilik bermek. *Näme, özüňden kiçi çaga özüňi daşladyp dursuň?*

**DAŞLAÝYŞ**, *iş ady*. Daşlamak ýagdaýy.

**DAŞLAÝYŞ** [da:şlaýyş], *iş ady*. Daşlamak ýagdaýy.

**DAŞLY** [daşly], *syp*. Daşy bar bolan, daşy bir zat bilen örtülen, daşlanan. *Ýaşyl daşly kitap. Mahmal daşly ýassyk.*

**DAŞLY** [da:şly], *syp*. Içinde daş bolan, daş garyndyly, daş goşandy bolan. *Daşly toprak*.

**DAŞLYK I**, *at*. Uzaklyk, alyslyk, ýakyn dällik. *Wah, maşynlar ýoluň daşlygyny bilýärmi näme?* (B. Gulow).

**DAŞLYK II**, **1**. *syp.* Daş etmek üçin, daş edilýän. *Daşlyk mata*. **2**. *at*. Bir zadyň daşyny, üstüni örtmek üçin ýörite tikilen ýa-da niýetlenen mata. *Ýassygyň daşlygy.* **3**. Köplenç kagyz salynýan ýörite gap.

**DAŞLYK** [da:şlyk] **I**, *at*. Daşy köp ýer, daşly ýer. *Oglum, daglyga, daşlyga tutuber* ("Görogly").

**DAŞLYK** [da:şlyk] **II**, *at.* Guşuň, towugyň we ş.m. iýmit siňdirmek üçin hyzmat edýän agzasy. *Iým daşlykda ykjam maýdalanýar we siňýär.*

**DAŞMA** [da:şma], *iş ady.* Daşmak ýagdaýy. *Suwuň daşmasy ýaz işlerinde biraz bökdençlik döretdi.*

**DAŞMAK** [da:şmak], *işl*. **1**. Joşmak, joşup kenardan agmak. *Akgydyndan daşyp çykyp, iki kenardaky jeňňellere, arnalara, källere erkana ýaýnan Amyderýa mes erkek dek kükräp, okgunly akýardy* (N. Jumaýew). **2**. Çogmak, çogup dökülmek.

**DAŞYNDAN** [daşynnan], *hal*. Bir zatdan daşgary, daşary. *Men esasy işimiň daşyndan ekin ekmek bilen hem meşgul bolýaryn.*

**DAŞYŇDAN**, *hal*. Içiňden däl-de sesli, başgalara eşidiler ýaly edip (*daşymdan*, *daşyňdan*, *daşyndan* ýaly ulanylýar). *Goşgyny daşyňdan okamak.*

**DAŞ-TÖWEREK** [daş-töwörök], *at.* Daşyňy gurşap alýan giňişlik, çar tarap, çar töwerek. *Hemme kişi daş-töwerege seredip, ýöne aňk bolşup durdy*.

**DAT** [da:t] **I**, **1**. *at*. Nala, zeýrenç, ahy-zar, ahy-nala. *Asmana ýetmedi dadym, Seni ýetirdi perýadym* ("Nejep oglan"). *Eý ýaranlar, kim ýetişer dadyma? Başym çykmaz ne gowgaýa sataşdym* (Magtymguly). *Gahba pelek ýetmez meniň dadyma, Atam-enem goýmaz köňül şadyma* (Andalyp). **2**. "Wah, waý" ýaly many aňladýan ümlük. *Köňlümni giderdi ýagşy-ýamana, Dat, seniň goluňdan geldim amana* (Zynhary).

◊ **Dat gününe** biriniň başyna agyr, kyn, çykgynsyz ýagdaý düşende aýdylýan söz. **Dat etmek** nala çekmek, ahy-zar etmek, aglamak. **Dadyna ýetmek** wagtynda ýetişip, birini kyn, çykgynsyz ýagdaýdan halas etmek.

**DAT** [da:t] **II**, *at.* **1**. Naharyň, miwäniň we ş.m. tagamy. *Arryk etiň dady ýok* (Nakyl). **2**. *göç.m.* Lezzet, ýakymlylyk. *Ýüregimde bir geliniň ady bar, Şol adyň öz lezzeti bar, dady bar* (M. Seýidow).

**DAT-BIDAT** [da:t-bi:da:t], *üml, ser.* **Dat I, 2**.

**DATLAMAK** [da:tlamak], *işl.* "Dat, dat-bidat" diýip, gygyryp haraý islemek, kömek soramak.

**DATLY** [da:tly], *syp.* **1**. Tagamly, süýji. *Datly tagam*. **2**. *göç.m.* Lezzetli, ýakymly, gowy, oňat. *Ol owazlar halkyň ýüreginden çykýan datly mukamlar eken* (T. Gurbanow).

**DATLYLYK** [da:tlylyk], *at.* **1**. Süýjülik, tagamlylyk, lezzetlilik. *Bu naharyň datlylygy artykmaç eken.* **2**. Lezzetlilik, eşretlilik, gowulyk. *Türkmen dutarynyň owazy özüniň datlylygy bilen ýakymly täsir edýär.*

**DATMA** [da:tma], *iş ady.* Datmak ýagdaýy.

**DATMAK** [da:tmak], *işl.* **1**. Tagamyny, duzuny bilmek üçin azajyk iýip, içip görmek. *A gyz, gaýnatmanyň gaýnamy çykypmy, dadyp görsene!* **2**. Nahardan, ir-iýmişden azajyk iýip görmek. **3**. *göç.m.* Başdan geçirmek, ýagşysyny, ýamanyny görmek, jebir çekmek. *Ýaşlygymda men hem şeýle pursadyň, Dadyp gördüm ajy gahar-gazabyn* (A. Kowusow).

**DATMAKLYK** [da:tmaklyk], *iş ady.* Datmak ýagdaýy.

**DATMAZLYK** [da:tmazlyk], *iş ady.* Dadyp görmezlik.

**DAWA** [da:wwa:], *at.* **1**. Belli bir sebäbe görä adamlaryň arasynda döreýän ylalaşyksyzlyk, oňşuksyzlyk, jedel. *Dawa etmek gerek däl*. **2**. Galmagal, gykylyk, jenjel, gopgun. *Atamyň wesýetin ýat edip her dem, Gaça-gaça gezdim dawadan, şerden* (M. Seýidow). **3**. *gepl.d.* Uruş, jeň, söweş. *Döwletler arasynda turýan dawalara goşulmazlyk*.

◊ **Dawa etmek** bir mesele, bir zat üçin dawa başlamak, dawalaşmak.

**DAWAÇYL** [da:wwa:çyl], *syp.* **1**. Dawalaşyp ýören, dawa etmegi halaýan, dawakeş, dawagär. *Ol örän dawaçyl adam.* **2**. Dawa edegen, jenjelçi, galmagalçy.

**DAWAÇYLLYK** [da:wwa:çyllyk], *at.* Dawa edijilik, dawakeşlik, dawagärlik. *Ol özüni hakykat ugrunda göreşýän hökmünde görkezip, dawaçyllygynyň üstüni basyrjak bolýardy.*

**DAWAGÄR** [da:wwa:ğä:r], *syp., ser.* **Dawaçyl**.

**DAWAGÄRLIK** [da:wwa:ğä:rlik], *at, ser.* **Dawaçyllyk**.

**DAWA-JEDEL** [da:wwa:-jedel], *at, ser.* **Dawa**.

**DAWA-JENJEL** [da:wwa:-jenjel], *at, ser.* **Dawa**.

**DAWAKEŞ** [da:wwa:keş], *syp.*, *ser.* **Dawaçyl**. *Onuň gaçgyny dawakeşdi.*

**DAWAKEŞLIK** [da:wwa:keşlik], *at, ser.* **Dawaçyllyk**. *Dawakeşlik onuň ganyna ornapdyr.*

**DAWALAŞDYRMAK** [da:wwa:laşdyrmak], *işl.* Iki ýa-da ikiden köp adamyň dawalaşmagyna ýol bermek, sebäp bolmak, dawalaşmaga mejbur etmek.

**DAWALAŞMA** [da:wwa:laşma], *iş ady.* Dawalaşmak ýagdaýy.

**DAWALAŞMAK** [da:wwa:laşmak], *işl.* Birden köp bolup, biri-biriň bilen dawa etmek, bir zat barada galmagallaşmak, galmagal edişmek, jedelleşmek. *Dogry, iş üstünde, önümçilik meselesinde biziň çendan jedelleşýän, dawalaşýan, hatda gygyryşýan wagtymyz hem bolýar* (B. Kerbabaýew).

**DAWALAŞMAKLYK** [da:wwa:laşmaklyk], *iş ady.* Dawalaşmak ýagdaýy.

**DAWALAŞMAZLYK** [da:wwa:laşmazlyk], *iş ady.* Biri-biriň bilen dawa etmezlik.

**DAWALAŞYBERMEK** [da:wwa:laşyvermek], *işl.* Dawalaşyp başlamak, dawalaşyp ugramak. *Ýöneje düşünişmegem bolar ahyryn, derrew dawalaşyberýäň.*

**DAWALAŞYŞ** [da:wwa:laşyş], *iş ady.* Dawalaşmak ýagdaýy.

**DAWALY** [da:wwa:ly], *syp.* **1**. Ylalaşyga gelinmedik, jedelli, dawasy gutarmadyk. *Dawaly mesele.* **2**. Galmagally, gykylykly, jenjelli. *Dawaly iş. Dawaly ýer.*

**DAWASYZ** [da:wwa:syz], *syp.* **1**. Dawasy bolmadyk, jedelsiz. **2**. Galmagalsyz, gykylyksyz. *Dawasyz çözülen mesele.*

**DAWA-ŞER** [da:wwa:-şer], *at, ser.* **Dawa-jenjel**.

**DAÝAMA**, *iş ady.* Daýamak ýagdaýy.

**DAÝAMAK**, *işl.* **1**. Bir zadyň gapdalyndan söýeg urmak, direg urmak. **2**. Saklar ýaly söýget bermek, diremek. *Ol tirsegine galdy we elini kellesine daýady.* **3**. Ýykylmazlyk üçin iki zady biri-birine ýaplamak, diremek. *Iki doly çuwaly biri-birine daýap goýdular.*

**DAÝAMAKLYK**, *iş ady.* Daýamak ýagdaýy.

**DAÝANÇ**, *at.* **1**. Bir zady berkitmek üçin gerek bolan söýget, direg. *Haýata urlan daýanç agajy ýaý beripdir.* **2**. *göç.m.* Esaslanylýan güýç, daýanylýan zat, arka. *Bu ýalan jahanda sen-sen daýanjym, Göwherim, hazynam, magdanym, genjim* (Zelili). **3**. Oglana dakylýan at.

**DAÝANDYRMA** [daýannyrma], *iş ady.* Daýandyrmak ýagdaýy.

**DAÝANDYRMAK** [daýannyrmak], *işl.* Aýak üstüne galdyrmak, gutuldyrmak, gurplandyrmak. *O mallary özi bakyp daýandyrdy.*

**DAÝANDYRYBERMEK** [daýannyryvermek], *işl.* Daýandyryp başlamak, daýandyryp ugramak. *Ynha, şu dermany al-da içiber, nädersiň sanlyja günde daýandyryberse.*

**DAÝANMA I**, *iş ady.* Daýanmak ýagdaýy.

**DAÝANMA II**, *iş ady.* Daýanmak ýagdaýy.

**DAÝANMAK I**, *işl.* Aýak üstüne galmak, sagalmak, gurplanmak, gutulmak. *Näsag daýanyp ugrady.*

**DAÝANMAK II**, *işl.* **1**. Bir zada direnmek, söýenmek, ýaplanmak. *Garry taýagyna daýanyp, ýerinden turdy.* **2**. Aýak çekmek, saklanmak, durmak, togtamak, säginmek. *– Azajyk daýan – diýip, ýoldaşynyň adyny tutup gygyrdy*. **3**. Birine, bir zada arkalanmak, bil baglamak. *– Ol edenini edip ýör welin, kimi barka, kime daýanýarka? Bilime daýanmak.*

**DAÝANMAKLYK**, *iş ady.* Daýanmak ýagdaýy.

**DAÝANYBERMEK** [daýanyvermek], *işl.* Daýanyp başlamak, daýanyp ugramak.

**DAÝANYKLY**, *syp., ser.* **Daýaw**. *Daýanykly ýigit*.

**DAÝANYKLYLYK**, *at, ser.* **Daýawlyk**.

**DAÝANYŞ**, *iş ady.* Daýanmak ýagdaýy.

**DAÝANYŞMAK I**, *işl.* Aýak üstüne galyşmak, sagalyşmak.

**DAÝANYŞMAK II**, *işl.* Biri-biriňe hemaýat etmek, goldaw bolmak. *Ikimiziň bir ýere düşenimize şükür, bir-birimize daýanyşarys.*

**DAÝANYŞYK**, *at.* Birek-birege bolan goldaw, goltgy, arkalaşyk.

**DAÝAW** [daýow] **I**, *syp.* **1**. Göwresi, gabarasy uly bolan, deşli. *Daýaw adam.* **2**. Berk bedenli, sagdyn, gujurly. *Ol entekler daýawdy*.

**DAÝAWLAÇ** [daýowloç], *syp.* Onçakly daýaw bolmadyk, göwresi, gabarasy şeýle bir uly bolmadyk, daýawrak.

**DAÝAWLYK** [daýowluk], *at.* **1**. Daýaw bolmaklyk, uly göwrelilik. *Ol boýunyň daýawlygy bilen ilden saýlanýardy.* **2**. Berk bedenlilik, guratlyk, sagdynlyk.

**DAÝHAN** [daýha:n], *at.* **1**. Esasy käri ýer bejerip, ekin ekip, hasyl alýan oba adamsy. *Kärendeçi daýhan.* **2**. Oglana dakylýan at.

**DAÝHANÇYLYK** [daýha:nçylyk], *at.* Daýhanyň käri, ekerançylyk bilen meşgullanmaklyk, daýhanlyk. *Ol ömrüni daýhançylyk edip geçirdi.*

**DAÝHAN-DEŞDIWAN** [daýha:n-deşduwa:n], *at.* Daýhan we şonuň ýaly-da çöl, meýdan adamy.

**DAÝRA**, *at, ser.* **Dep**. *Ýaňagyna döküp şabram saçlaryny, Lälegyz, Gyzlargül daýrasyn çalýar* (N. Pomma).

**DAÝRAÇY**, *at.* Depçi.

**DAÝRAMAK**, *işl., ser.* **Dabyramak**. *Gaýdyp, adamlar bilen gepleşmän, göklän kürre ýaly, burnumyzy göge tutup, iki ýana daýrar ýörerdik – diýip güldi* (A. Durdyýew).

**DAÝRAŞMAK**, *işl., ser.* **Dabyraşmak**. *Daýraşyp barýan gylýal sürüsi*.

**DAÝY** [da:ýy], *at.* **1**. Öz ejeň erkek doganlaryna we beýleki ýakyn adamlaryna (babaňdan başga) degişlilikde garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz. *Hem daýymlara barýan, hem taýyma baş öwredýän* (Atalar sözi). **2**. Özüňden uly erkek adamlara hormat bilen ýüz tutulyp ýa-da adam adynyň yzyndan getirilip aýdylýan söz. *Daýy, geçiň, oturyň!*

**DAÝY-DAÝZA** [da:ýy-daýza], *at.* Daýa we daýza degişlilikde aýdylýan söz. *Men daýy-daýzamlary göreýin diýip oba gitdim.*

**DAÝYM** [da:ýym], *hal.* Elmydama, mydam, hemişe, baky, ömür baky. *Sorap gezdim ony daýym, Maňa ýetir Gülaýymny* ("Görogly"). *Başyma meniň*

*salma daýym bu kyýamatny, Hem derd-u jepasyndan gördüm ýüz alamatny* (Andalyp).

**DAÝYMA** [da:ýyma], *hal, ser.* **Daýym**. *Diýdiler: – Üç kişi bolduk ussadyň, Daýyma destandyr älemde adyň* (Magtymguly). *"Arman dünýäden perzentsiz geçdim" diýip, daýyma ah urur erdi* (Şabende).

**DAÝYRDAMA**, *iş ady.* Daýyrdamak ýagdaýy.

**DAÝYRDAMAK**, *işl.* At çapylanda, darak urlanda daýyrdyly ses çykmak. *Ol orta ýola ýetip-ýetmänkä galadan iki sany atly daýyrdap çykdy* (G. Kulyýew).

**DAÝYRDAMAKLYK**, *iş ady.* Daýyrdamak ýagdaýy.

**DAÝYRDAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup daýyrdamak. *Daýyrdaşyp barýan atlaryň aýak sesleri töweregi lerzana getirdi* (B. Seýtäkow).

**DAÝYRDATMAK**, *işl.* Aýagynyň astyndan daýyrdyly ses çykartmak üçin aty çapdyrmak.

**DAÝYRDY**, *at.* At çapylanda aýagynyň astyndan çykýan sesiň ady. *Atlaryň daýyrdysy.*

**DAÝY-ÝEGEN** [da:ýy-ýeğen], *at.* Daýa we ýegene degişlilikde aýdylýan söz. *Daýy-ýegen ikimiz, Arkamyzda ýükümiz* (Halk döredijiliginden).

**DAÝZA**, *at.* **1**. Öz ejeň aýal doganlaryna we onuň erkek doganlarynyň aýallaryna degişlilikde garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz. *Men öten agşam seniň ýanyňa mazalyja gürleşmäge barypdym welin, arman, daýzaň bilen daýyň geläýen ekenler* (A. Gowşudow). **2**. Özüňden uly bolan aýal maşgala hormat bilen ýüzlenilip aýdylýan söz. *Altyn käsäni alyp doldurdy-da, Gözel daýza uzatdy* (A. Durdyýew).

**DAZ I**, *at.* Ösümlik bitmeýän ýalaňaç, şor ýer.

**DAZ II**, *syp., ýerli g.* Kel. *Daz-da darakly boldy, O-da gerekli boldy* (Atalar sözi).

**DAZ III: daz ýasamak** örän çalt hereket edip gitmek, at salmak, ýelk ýasamak.

**DAZANAKLABERMEK** [dazanakla:vermek], *işl.* Dazanaklap başlamak, dazanaklap ugramak.

**DAZANAKLADYBERMEK** [dazanakladyvermek], *işl.* Dazanakladyp başlamak, dazanakladyp ugramak.

**DAZANAKLAMA**, *iş ady.* Dazanaklamak ýagdaýy.

**DAZANAKLAMAK**, *işl.* Iki ýana çalt, howlukmaç hereket etmek.

**DAZANAKLAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup dazanaklamak. *Çagalar dazanaklaşyp, eýläk-beýläk ylgaýardylar.*

**DAZANAKLATMAK**, *işl.* Dazanaklamaga mejbur etmek; çalt hereketlendirmek, idirdikletmek. *Ol ýene erkeji dazanakladyp süýräp ugrady* ("Edebiýat we sungat").

**DAZARYLMA**, *iş ady.* Dazarylmak ýagdaýy.

**DAZARYLMAK**, *işl.* Gygyryp haýbat atmak, hemle urmak, ýüzüni almak, herrelmek.

**DAZARYLMAZLYK**, *iş ady.* Gygyryp haýbat atmazlyk, hemle urmazlyk, ýüzüni almazlyk, herrelmezlik.

**DAZARYLYBERMEK** [dazarlyvermek], *işl.* Dazarylyp başlamak, dazarylyp ugramak.

**DAZARYLYŞMAK** [dazarlyşmak], *işl.* Birnäçe bolup dazarylmak .

**DAZLADYBERMEK** [dazyladyvermek], *işl.* Dazladyp başlamak, dazladyp ugramak.

**DAZLAMA** [dazylama], *iş ady.* Dazlamak ýagdaýy.

**DAZLAMAK** [dazylamak], *işl.* **1**. Tiz, çalt hereket etmek, gaty-gaty ýöräp gitmek. *Dazlap barýan maşyn.* **2**. Batly zyňlyp seslenmek, wazlamak, wazyrdyly seslenmek. *Sapandan atylan gola onuň gapdalyndan dazlap geçdi.* **3**. Howa akymy güýçli öwüsmek, hazlap howa akymy gelmek. *Köne gapynyň yşlaryndan aýaz dazlap içeri urýardy.*

**DAZLAŞMAK** [dazylaşmak], *işl.* Birden köp zat ýa-da birnäçe adam dazlap gitmek. *Bu sese öýlerden, hüjürelerden adamlar dazlaşyp çykdylar* (B. Seýtäkow). *Maşynlar dazlaşyp gitdi.*

**DAZLATMAK** [dazylatmak], *işl.* **1**. Birini ýa-da bir zady tiz, çalt hereket etdirmek; gaty-gaty ýöretmek, gaty sürmek. *Maşyny dazladyp sürmek.***2**. Bat bilen dazyrdadyp zyňmak; dazyrdyly seslendirmek. *Olar dazladyp sapan atyp başladylar.* **3**. Howa akymyny batly çykarmak, üfläp goýbermek. *Ullakan çilim elden-ele geçýär, her kim öz gezegine lokurdadyp soryar-da, ak goýy tüssäni burnundan hem agzyndan dazladyp çykarýar* (A. Gowşudow).

**DAZLAÝYŞ** [dazylaýyş], *iş ady.* Dazlamak ýagdaýy.

**DAZYRDAMAK** , *işl., ser.* **Dazlamak 1**, **2**. *Dazyrdap gelýän taýak*.

**DAZYRDAŞMAK**, *işl., ser.* **Dazlaşmak 1**, **2**.

**DAZYRDATMAK**, *işl., ser.* **Dazlatmak 1**, **2**. *Yzda duranlaryň biri ýumruk ýaly daşy maşynlaryň yzyndan dazyrdadyp zyňdy* (G. Kulyýew).

**DAZYRDY**, *at.* Maşynlaryň çalt hereketinden, batly zyňlan daşdan we ş.m. çykýan sesiň ady. *Maşynlaryň dazyrdysy ýatmady.*

**DAZYRDYKLABERMEK** [dazyrdykla:vermek], *işl.* Dazyrdyklap başlamak, dazyrdyklap ugramak.

**DAZYRDYKLAMA**, *iş ady.* Dazyrdyklamak ýagdaýy.

**DAZYRDYKLAMAK**, *işl.* Iki ýana hasanaklap gatnamak, çalt gidip-gelmek.

**DAZYRT-DAZYRT**, *s. ş. aňl. söz.* Gapdalyňdan batly geçip barýan maşynlardan we ş.m. çykýan

ses. *Dazyrt-dazyrt üç atly, At salyşyp gelýärler* (A. Alamyşow).

**DAZZARKEL**, *at. haýwanat d.* Ýyrtyjy guşlar toparyndan, gyrgylar maşgalasyndan bolan, depesi tüýsüz, goňras reňkli uly guş.

**DAZZARMAK**, *işl.* Somalyp görnüp durmak, mese-mälim bolup görnüp durmak. *Onuň syrylan kellesi dazzaryp göründi.*

**DAZZARTMAK**, *işl.* Somalyp görnüp durar ýaly etmek. *Ol saçyny syrdyryp, kellesini dazzartdy.*

**DE** [de:] **I**, Türkmen milli elipbiýiniň ″D″ harpynyň ady.

**-DE** [de:] **II**, ″Hem″ manysynda gelýän ugurdaşlygy görkezýän baglaýjy kömekçi. *Näzlene-näzlene güldi-de gitdi* (G. Seýitliýew).

**DEBISGI** [devisği], *at.* Basgylanan, köp ýörelen. *Akmyrat dagynyň külterläp barýan ýodasy dürli jandaryň aýak yzyndan debisgidi* (N. Atdaýew).

**DEBISGILEME** [devisğileme], *iş ady.* Debisgilemek ýagdaýy.

**DEBISGILEMEK** [devisğilemek], *işl., ser.* **Debsemek**. *Esgerler ýabylarynyň böwürlerini debisgiläp, onuň yzyndan galmaýardylar.*

**DEBISGILEMEKLIK** [devisğilemeklik], *iş ady.* Debisgilemek ýagdaýy.

**DEBISGILEÝIŞ** [devisğileýiş], *iş ady.* Debisgilemek ýagdaýy.

**DEBISGILÄBERMEK** [debisğilä:vermek], *işl.* Debisgiläp başlamak, debisgiläp ugramak.

**DEBSEME** [devseme], *iş ady.* Debsemek ýagdaýy.

**DEBSEMEK** [devsemek], *işl.* At, eşek we ş.m. ulag münlende, böwrüne aýagyň ökjesi bilen urmak, depmek. *Ol taýharyň böwrüne debsäp, gerşine dürtüp, şol eşeklileriň yzy bilen haýdap barýarka, birden akylyna aýlandy* (B. Kerbabaýew).

**DEBSEMEKLIK** [devsemeklik], *iş ady.* Debsemek ýagdaýy.

**DEBSEŞIK** [devseşik], *at.* Depeşek ýagdaý, başly-barat hereket, başly-baratlyk. *Gowur, gykylyk artdy, debseşik güýjedi* (G. Kulyýew).

**DEBSEŞMEK** [devseşmek], *işl.* Birnäçe adam atyň, eşegiň böwrüne depişip barmak, gitmek. *Olar atlaryny debseşip gitdiler.*

**DEBSETMEK** [devsetmek], *işl.* Debsemek hereketini başga birine etdirmek, at, eşek münlende, böwrüne aýagyň ökjesi bilen urdurmak, depdirmek.

**DEBSEÝIŞ** [devseýiş], *iş ady.* Debsemek ýagdaýy.

**DEBSÄBERMEK** [devsä:vermek], *işl.* Debsäp başlamak, debsäp ugramak.

**DEBSILEMEK** [devsilemek], *işl.* **1**. At, eşek we ş.m. ulag münlende, aýagyň ökjesi bilen böwrüne yzly-yzyna debsäp sürmek. *Galkarak oturyp, atyny debsiledi* (″Görogly″). **2**. Basgylamak, depelemek. *Meňli ony aýagy bilen debsiledi* (A. Gowşudow). **3**. *göç.m.* Äsgermezlik edip horlamak, basgylamak.

**DEBSILEMEKLIK** [devsilemeklik], *iş ady.* Debsilemek ýagdaýy.

**DEBSILENMEK** [devsilenmek], *işl.* **1**. At, eşek we ş.m. ulag münlende böwrüne aýak bilen yzly-yzyna debsäp sürülmek. **2**. *göç.m.* Äsgermezlik edilmek, äsgermezlik edilip horlanmak, basgylanmak.

**DEBSILEŞMEK** [devsileşmek], *işl.* Birnäçe bolup bilelikde debsilemek. *Bir ýeri debsileşip durmak. Eşekliler debsileşip eşegin, Çapdyryşyp, loňkuldadyp barýarlar* (N. Pomma).

**DEBSILETMEK** [devsiletmek], *işl.* **1**. Debsilemek işini başga birine etdirmek, birine debsilemäge mümkinçilik bermek; at, eşek we ş.m. ulag münlende, böwrüne aýak bilen yzly-yzyna debsedip sürdürmek. *Hortap atlar gamçylatmaýardy, debsiletmeýärdi* (″Edebiýat we sungat″). **2**. *göç.m.* Äsgermezlik etdirmek, horlatmak, basgylatmak.

**DEBSILEÝIŞ** [devsileýiş], *iş ady.* Debsilemek ýagdaýy.

**DEBSILÄBERMEK** [devsilä:vermek], *işl.* Debsiläp başlamak, debsiläp ugramak.

**DEGDI** [değdi] **I**, *syp., gepl.d.* Bir ýerde, bir kärde orun tapman, ondan-oňa gaçyp ýören. *Ýöne men degdi bolandyr öýdüp pikir edäýmäň* (″Edebiýat we sungat″).

◊ **Degdi it** eýesiz, göreniň gapysynda ysyrganyp ýören, ykmanda it. **Degdi it ýaly** öz öýüne köwlenmeýän, ykmanda (adam hakynda).

**DEGDI** [değdi] **II**, *at, gepl.d.* Ädikkeçe. *Degdi ädigiň içinden geýilýär.*

**DEGENE** [değene]**: degene gözüm menden däl etmek** soňuna seretmän, näme bolsa şol bolsun etmek.

**DEGENEK** [değenek], *at.* **1**. Saldamly, çemeli, gaýym, ykjam taýak. *Onuň elinde degenek taýak bardy. Her kim waý²sesini eşidenden, allaniçigsi bolup, ýerinden turdy, eline çem gelen degenek zady alyp, öýden dazyrdap çykdy* (G. Kulyýew). **2**. *göç.m.* Edenli, gaýratly. *Ýagmyr sakgal-murtuny iki günden bir syryp ýören degenek daýhan bolup ýetişdi* (N. Pomma).

**DEGENEKLI** [değenekli], *syp., ser.* **Degenek 2**. *Degenekli adam.*

**DEGERARYK** [değera:ryk], *at.* Gözbaşyny derýadan alyp, çalt akýan ýap.

**DEGER-DEGMEZ** [değer-değmez], *syp.* Öz hakyky nyrhyndan, bahasyndan kem.

**DEGERLI** [değerli], *syp.* **1**. Ýerlikli, göwnejaý, jaýdar, maksada laýyk. *Şol zerarly ne bir degerli tanşym bardy, ne-de barara gapym* (T. Gurbanow). *Degerli teklip.*

**DEGERLILIK** [değerlilik], *at.* Ýerliklilik, jaýdarlyk, göwnejaýlyk.

**DEGGIR** [değğir], *syp.* Degegen. Edil deggir gözli jadygöýden gaçan ýaly, dostum hem menden daşrakda bolanyny kem görenokdy ("Dünýä edebiýaty").

**DEGIBERMEK** [değivermek], *işl.* Degip başlamak, degip ugramak.

**DEGILMEK** [değilmek], *işl.* **1**.Azar berilmek, ynjalyksyzlandyrylmak, ynjydylmak. **2**. *göç.m.* Oýun edilip birine bir zat aýdylmak, bälçireşilmek. *Bolar-bolgusyz söz aýdyp, özüňe degilse, senem halamarsyň*.

**DEGIM** [değim]**: degim degmek** bir derejä ýetmek, gulluga, käre eýe bolmak.

**DEGIMLI** [değimli], *syp.* Degişli, ýakyn. *Degimli hossar*.

**DEGIMSIZ** [değimsiz], *syp.* Görüm-görelde görmedik, süwümsiz, kelpeň, gopbamsy. *Degimsize degim degse bir günde, Gözi döner, dosty-ýary tanamaz* (Zelili).

**DEGIRME** [değirme], *iş ady.* Degirmek ýagdaýy.

**DEGIRMEK** [değirmek], *işl.* **1**. Bir zady ikinji bir zada galtaşdyrmak. *Kasym onuň egnine ýuwaşlyk bilen elini degirdi* (B. Seýtäkow). **2**. Atyp ýa-da zyňyp, nyşanany we ş.m. zady urmak. **3**. Bir zat ýokuşdyryp ýa-da sürtüp hapalamak. *Sen köýnegiň ýeňine hapa degripsiň.*

**DEGIRMEKLIK** [değirmeklik], *iş ady.* Degirmek ýagdaýy.

**DEGIRMEN** [değirmen], *at.* **1**. Dänäni üwäp, ony un edýän daşyny el bilen aýlap işletmek üçin gural. *El degirmeni.* **2**. Däne üweýän kärhana we däne üwelýän jaý. *Degirmeniň kilwany ýaly onuň kirpiklerine çenli gert-gubardy* (A. Gowşudow).

◊ **Degirmeniň suwy sowlan ýaly bolmak** gykylyk-gopgun ýatmak, ümsüm bolmak, birden asudalyk aralaşmak. **El degirmeni** el güýji bilen işledilip, däne üwelýän gural. *Mekdebimiziň taryh muzeýinde el degirmeni bar.*

**DEGIRMENÇI** [değirmençi], *at.* Degirmende işleýän adam, kilwan. *Eýýäm ýüzüň-ä çaňjaryp, degirmençiňkä dönüpdir* (B. Soltannyýazow).

**DEGIRMENLIK** [değirmenlik], *at.* Üwemek üçin arassalanyp goýlan belli bir mukdardaky däne. *Degirmenlik bir çuwal bugdaý.*

**DEGIŞ** [değiş] **I**, *iş ady.* Degmek ýagdaýy.

**DEGIŞ** [değiş] **II**, *at.* **1**. Derýanyň kenaryny opuran ýeri. **2**. Iki suw akabasynyň birleşýän, çatlyşýan ýeri. **3**.*hal*. Biri-birine degip duran. *Tekjäni şkafa degiş goý.*

**DEGIŞ-DEGIŞ** [değiş-değiş] Biri-dirine degip duran, biri-birine örän ýakyn ýerleşen (köp zat hakynda). *Ol degiş-degiş gurlan jaýlaryň içine girip gitdi.*

**DEGIŞDIRIBERMEK** [değişdirivermek], *işl.* Degişdirip başlamak, degişdirip ugramak.

**DEGIŞDIRIŞ** [değişdiriş], *iş ady.* Degişdirmek ýagdaýy.

**DEGIŞDIRME** [değişdirme], *iş ady.* Degişdirmek ýagdaýy.

**DEGIŞDIRMEK** [değişdirmek], *işl.* **1**. Bir zady başga bir zada degrip, galtaşdyryp goýmak. **2**. *gepl.d.* Çalşyrmak. *Egin-eşikleriňi degişdirmek.*

**DEGIŞGEN** [değişgen], *syp.* Degişmegi gowy görýän, açyk, alçak, bälçik, wäşi. *Degişgen ýigit.*

**DEGIŞGENLIK** [değişğenlik], *at.* Degişmäni gowy görmeklik, açyklyk, alçaklyk, wäşilik.

**DEGIŞLI** [değişli], *syp.* **1**. Biriniň ýa-da bir zadyň garamagynda bolan, garaşly. *Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasyna degişli edaralaryň içinde biziň institutymyz hem bar.* **2**. Gatnaşygy bolan, bagly, dahylly, gatnaşykly. *Bilime degişli mesele. Men-ä iş üstündäki jedel maşgala meselesine degişli dälmikä öýdýän* (B. Kerbabaýew). **3**. Laýyk, mynasyp. *Oňa degişli temmi berildi.*

**DEGIŞLILIK** [değişlilik], *at.* **1**. Garamagynda bolmaklyk, garaşlylyk. **2**. Dahyllylyk, baglylyk, mahsuslyk. *Degişliligi aňladýan ýöňkeme goşulmalary.*

**DEGIŞME** [değişme], *iş ady.* **1**. Degişmek ýagdaýy. **2**. *at.* Özara oýun edişip, bälçireşip edilýän gürrüň ýa-da bir hereket. *Okuwçylar dünýäden bihabar öz aralarynda degişme gürrüňler edip, gülşüp, şatlykly şowhunlary bilen köçäni dolduryp barýardylar* (A. Gowşudow). *Olar biri-biriniň degişmesine beletdiler.*

**DEGIŞMEK** [değişmek], *işl.* **1**. Özara oýun edişip, bälçireşip gürrüň etmek ýa-da bir hereket etmek, wäşilik bilen biri-birine söz gatmak. *Bular näçe degişseler, näçe çekeleşseler-de, biri-birine ýürek bular ýaly ajy söz aýdanok* (B. Kerbabaýew). **2**. Biri-birine degip, galtaşyp durmak. *Şeýlelikde, Uzuk bilen Berdi ýakynlaşa-ýakynlaşa, iň soňky goýny sagmaga gezek gelende, gapdalma-gapdal, ýanma-ýan degşip oturdylar* (H. Derýaýew). **3**. *gepl.d.* Başga bir görnüşe geçmek, üýtgemek, özgermek. *Diňe ýiti gözleriniň garaýşy bir az degişdi* (B. Kerbabaýew). **4**. *gepl.d.* Çalyşmak, alyşmak.

**DEGIŞMEKLIK** [değişmeklik], *iş ady.* Degişmek ýagdaýy.

**DEGME** [değme] **I**, *iş ady.* Degmek ýagdaýy.

**DEGME** [değme] **II**, *kön.s.* Her kişi, çem gelen. *Müşkili haýal eýlemek degmäniň işi degil* (Ýunus Emre).

**DEGMEK** [değmek], *işl.* **1**. Bir zat ikinji bir zat bilen galtaşmak. *Demir esbaplar biri-birine degip seslenýärdi* (B. Seýtäkow). **2**. Ok atylanda, daş zyňlanda we ş.m. nyşana ýa-da başga bir zada galtamak, baryp urulmak. *Söweşleriň birinde onuň çep aýagyna ok degip, gospitala düşüpdi.* **3**. Galtaşyp, ýanaşyp tegmil galdyrmak, yz goýmak, ýokmak, ýokuşmak. *Wepanyň*

*eline bir hili ýelmeşik zat degdi* (A. Gowşudow). **4**. Gymmaty, ähmiýeti we ş.m. çekilen zähmete, azaba barabar bolmak, laýyk bolmak. *Kyrk guzuly goýna degip duran mata-da bereýin* ("Görogly"). **5**. Azar bermek, ynjytmak. *Biz degmedige degen adam däl* ("Görogly"). **6**. Oýun etmek, bälçireşmek. *Myrat aga ugran badyna Esen lagar goýny getirip, sürä goşdy-da, Berdä degmäge başlady* (H. Derýaýew). **7**. Bir ýere baryp, görüp geçmek. *Ertir meniň öýüme degip geçiň.* **8**. *göç.m.* Oňyn täsir etmek, keýpiňi kök etmek, maza bermek. *Ýöne çaý degen wagty käwagt açylyp, gürrüň edäýmesem bar* (H. Garabaýew). **9**. *göç.m.* Eliňe bir zat düşmek. *Bir çopan goluna degse bir almaz, Çakmak daşy eder, gadryn näbilsin* (Magtymguly).

◊ **Degene gözüm menden däl etmek** etjegiňi edip, kime näme bolsa, şol bolsun, meniň işim ýok diýmek, kime nähili derejede zyýan ýetirjegiňi göz öňüne getirmän, ýerliksiz hereket etmek.

**DEGMEKLIK** [değmeklik], *iş ady.* Degmek ýagdaýy.

**DEGNA** [değna:]: **degnasyna degmek** janyna degmek, örän gaty ynjytmak, soňky derejä ýetýänçä gaharyny getirmek.

**DEGRE** [değre], *at, ser.* **Degre-daş**. *Perwana deý, ýar, degräňde uçar men* (Mollanepes). *Ýol ýatyr-a, ýol ýatyr, Degresinde il otyr* (Halk döredijiliginden).

**DEGRE-DAŞ** [değre-daş], *at.* Daş-töwerek, töwerek, dört tarap, çar tarap, degre. *Degre-daşyň duman alsa, Daglara bar, daglara bar* ("Görogly").

**DEGRIŞ** [değriş], *iş ady.* Degirmek ýagdaýy.

**DEGSIN** [değsin] **I: degsin etmek** däp-dessura görä, merhumyň hatyrasyna, hormatyna bişirilen tagamy dadyp, "kabul bolsun!" diýmek, doga okamak.

**DEGSIN** [değsin] **II**, Nahar iýilýän mahaly birdenkä düwnen adamyň ýeňsesine kakylyp aýdylýan söz. *"Degsin! Degsin!" diýip, sag eli bilen çalajadan ýeňsesine kakyşdyrdy.*

**DEGSINJEŇ** [değsinjeň], *syp., gepl.d.* Ýerliksiz degişýän, kimdir birine degmegi endik edinen. *Degsinjeň adam*.

**DEGSINMEK** [değsinmek], *işl., gepl.d.* Ýersiz-ýere yrsaramak, üstüne sürünmek.

**DEGŞIBERMEK** [değşivermek], *işl.* Degşip başlamak, degşip ugramak. *Degşeýin diýip ýürejigiň böküp duran bolsa degşiber.*

**DEGŞIK** [değşik], Biri-birine golaý, has ýakyn bolan, ýanaşyk, degiş-degiş. *Ol degşik oturan öýleriň köpdügini öz gözi bilen gördi.*

**DEGŞIRIBERMEK** [değşirivermek], *işl.* Degşirip başlamak, degşirip ugramak.

**DEGŞIRILMEK** [değşirilmek], *işl.* **1**. Deňeşdirilip görülmek, garşy goýlup barlanyp görülmek. **2**. Barlanmak, derňelmek. **3**. Ýanaşdyrylmak, ýanaşyk goýulmak. *Biri-birine degşirilip goýlan iki sany oturgyç bar.*

**DEGŞIRIŞ** [değşiriş], *iş ady.* Degşirmek ýagdaýy.

**DEGŞIRME** [değşirme], *iş ady.* Degşirmek ýagdaýy.

**DEGŞIRMEK** [değşirmek], *işl.* **1**. Deňeşdirip görmek, garşy goýup barlap görmek. *Iki haty-da degşirip gördüler* (A. Durdyýew). **2**. Derňemek, barlamak. **3**. Biri-birine degrip, galtaşdyryp goýmak. *Düşekleri biri-birine degşirip ýazyň!*

**DEGŞIRMEKLIK** [değşirmeklik], *iş ady.* Degşirmek ýagdaýy.

**DEGŞIRTMEK** [değşirtmek], *işl.* **1**. Degşirmek işini başga birine etdirmek, birine degşirmäge mümkinçilik bermek; biri-biri bilen deňeşdirtmek, deňeşdirip gördürmek, garşy goýup barladyp gördürmek. **2**. Barlatmak, derňetmek.

**DEK I**, *hal.* Ümsüm, ýuwaş, asuda, parahat. *Dek gezen – dok gezer* (Nakyl).

**DEK II**, Meňzetmegi aňladýan "ýaly, kimin, deý, deýin" manyly sözsoňy kömekçi. *Bagdatda nar bişse, Tebrizde injir, Hyrat dek hiç ýeriň pissesi bolmaz* (Magtymguly). *Alma dek alsam elime, salsam goýna, gizlesem* (Balgyzyl).

◊ **Dek düýn** düýnüň özünde, düýnki gün.

**DEKABR** [deka:vyr], *at*. Milady senenamasy boýunça ýylyň on ikinji aýy.

**DEKAN** [deka:n], *at*. Ýokary okuw mekdebinde fakultetiň ýolbaşçysy.

**DEKANAT** [dekana:t], *at*. Fakultetiň dekan tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän administratiw-okuw edarasy.

**DEL**, *syp.* **1**. Ýat, bigäne, üýtgeşik, keseki. **2**. Seýrek duş gelýän, tapmasy kyn bolan, üýtgeşik. *Şeýle del kär hakda meniň ilki eşidişimdi* ("Edebiýat we sungat").

**DELALAT** [dela:lat], *at.* **1**. Kömek, haraý, ýardam. *Asla adamzada ajy söz urmaň, Pakyra-misgine delalat ýagşy* (Magtymguly). *Anna aga kimdir birine kömek edip bilse, oňa delalaty degse, özüni bagtly saýar eken, ondan lezzet alýan eken* (Jürdekow T. Ata arzuwyny amala aşyrýan Agtyk, 110 s.). **2**. Çäre, alaç. *Biziň derdimize bir delalat edeweri* ("Görogly").

**DELBI** [delvi], *at. ösüml.d.* Däneliler maşgalasyna degişli uzyn, inçe baldakly, sähralyk ýerlerde gögerýän selne meňzeş ot.

**DEL-DÜL**, *syp*. Seýrek duş gelýän, üýtgeşik. *Çaga del-dül zatlary iýdirmek gerek.*

**DEL-DÜLJE** [del-düljö], *syp*., *ser*. **Delje**.

**DELE**, *at, ösüml.d.* Däneliler maşgalasyna degişli bolan bogun-bogun baldakly meýdan oty.

**DELEGASIÝA** [deleğa:syýa], *at.* Maslahatda, gurultaýda, halkara gepleşiklerinde döwletiň, gura-

manyň, kollektiwiň bähbitlerine wekilçilik edýän delegatlar topary.

**DELFIN** [delfi:n], *at. haýwanat d.* Dişli kitler maşgalasyna degişli süýdemdiriji deňiz haýwany. *Delfin çagasy. Delfin ýagy.*

**DELIL** [deli:l] **I**, *at.* Düýäniň burunlygynyň ujuna dakylýan inçejik ýüp. *Öňdäki, yzdaky delil hem üzüldi* (A. Allaberdiýew).

**DELIL** [deli:l] **II**, *at.* **1**. Bir zady subut etmek üçin getirilýän esas. *Muňa onuň öz delili hem bardy* (H. Ysmaýylow). **2**. Alaç, sebäp. *Sen özüň bihabar bolma, Zelili, Ölüme tapdymy Lukman delili?* (Zelili).

◊ **Delile getirmek** bir zady goldamak üçin islenilen ýagdaýdalygyny delillendirmek, esaslandyrmak.

**DELILBAG** [deli:lva:ğ], *at.* **1**. *ser.* **Delil I**. **2**. *gepl.d.* Arabaglanyşyk, baglanyşyk.

**DELILLENDIRIBERMEK** [deli:llennirivermek], *işl.* Delillendirip ugramak, delillendirip başlamak.

**DELILLENDIRIJI** [deli:llenniriji], *syp.* Delile getiriji, esaslandyryjy. *Ol bolan waka hakda delillendiriji gürrüň berdi.*

**DELILLENDIRIŞ** [deli:llenniriş], *iş ady.* Delillendirmek ýagdaýy.

**DELILLENDIRME** [deli:llennirme], *iş ady.* Delillendirmek ýagdaýy.

**DELILLENDIRMEK** [deli:llennirmek], *işl.* Delil getirip subut etmek, esaslandyrmak.

**DELILLENDIRMEKLIK** [deli:llennirmeklik], *iş ady.* Delillendirmek ýagdaýy.

**DELILLIK** [deli:llik], *syp.* Delil üçin, delil bolar ýaly. *Delillik mysal.*

**DELILNAMA** [deli:lna:ma], Ýüze çykarylan bir hadysany ýa-da wakany tassyklaýan, subut edýän, bir ýa-da birnäçe adam tarapyndan düzülýän resminama.

**DELILSIZLIK** [deli:lsizlik], *at.* Delili ýokluk, esassyzlyk, sebäpsizlik.

**DELJE**, *syp*. Üýtgeşijek, del-dülje (gowy görülýän kiçijik zat hakda). *Delje zatlar*.

**DELLAL** [della:l], *at.* **1**. Söwda-satyk işlerinde, iki taraplaýyn geçirilýän işleriň arasynda ylalaşdyryjy adam. **2**. *Şahyr.* Araçy.

**DELLALÇYLYK** [della:lçylyk], *at, ser.* **Dellallyk**.

**DELLALLYK** [della:llyk], *at.* Dellalyň käri, ýagdaýy, dellalçylyk. *Ol bazarda dellallyk etmek bilen meşgul bolýar.*

**DELLEK** [dellek], *at.* Dellekhanada işleýän ussa, saç-sakgal alýan, syrýan ussa, sertaraş.

**DELLEKHANA** [dellekha:na], *at.* Saç bejerdilýän, baş syrdyrylýan ýer, sertaraşhana. *Açyldy ýekän-ýekän, Dellekhana hem dükan* (G. Ezizow).

**DELLEKLIK**, *at.* Dellegiň käri, işi, ýagdaýy.

**DELMINIBERMEK** [delminivermek], *işl.* Delminip başlamak, delminip ugramak.

**DELMINME**, *iş ady.* Delminmek ýagdaýy.

**DELMINMEK**, *işl., ser.* **Delmirmek**. *Seniň husnuň meniň gözümden gitmez, Her näçe delminsem, saňa gol ýetmez* (Talyby). *Atajan başlyga bir zat aýtjak ýaly edip delmindi* (N. Baýramow).

**DELMINMEKLIK**, *iş ady.* Delminmek ýagdaýy.

**DELMIRINMEK**, *işl.* Birine zaryn, naýynjar garaýyş bilen ýüzlenmek, boýun burup haýyş etmek, iki baka urunmak.

**DELMIRIŞ**, *iş ady.* Delmirmek ýagdaýy.

**DELMIRIŞMEK**, *işl.*Bilelikde delmirmek; birine zaryn, naýynjar garaýyşly seredişmek, boýun burup haýyş edişmek, iki ýana urnuşmak. *Çagalar delmirişip ýalbardylar.*

**DELMIRME**, *iş ady.* Delmirmek ýagdaýy.

**DELMIRMEK**, *işl.* Naýynjar, zaryn garaýyşly bolmak, boýun burup, zaryn garamak. *Daglarda delmirip galdym, Atym ýok, ýolum daş oldy* ("Görogly"). *Tä ölinçä, men seniň husnuňa delmirip men, Jurga-jurga gan akar, gözlerim dynmaz, gelin* (Kemine).

**DELMIRTMEK**, *işl.* Delmirmäge mejbur etmek; birine zaryn, naýynjar garaýyş bilen seretdirmek, boýun burup haýyş etdirmek, jibrindirip göz dikdirmek. *Süleýman ýaýdanjyrap gyzyň ýüzüne gözlerini delmirdip durka, Aýjahan elindäki suwdan oglanyň üstüne serpip goýberdi* (B. Gulow).

**DEM**, *at.* Agyzdan ýa-da burundan öýken arkaly alynýan hem goýberilýän howa. *Arassa howadan dem almak.* **2**. *göç.m.* Dem alarlyk wagt, pursat. *Edil şol demde gara öýüň bäş ädim öňündäki daş tamyň gapysy şarkyldap açyldy-da, işigiň eňsisi serpilen gara öýüň bosagasynda Enebaý ejäniň äpet göwresi peýda boldy* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Älem içre at gezer"). *Garry ene her deminde uruşda galan doganlaryny, adamsyny ýatlaýardy. Oňa her deminde bir hyýal gelýär.*

◊ **Dem almak** dynç almak. *Dem almaga durdular, Ýoldan biraz dartylyp* (H. Şükürow). **Dem bermek** dynjyny bermek, dynjyny aldyrmak. *Şondan soň bir kenara çekilip, atlaryna dem berdiler* ("Ýusup – Ahmet"). **Deme gelmek** höwre gelmek (baýtal, eşek hakynda). *Bir mada eşek sen, gelip sen deme, Gasygy gam bilen doly dünýä heý* (Magtymguly). **Demi demine sygmazlyk (ýetmezlik)** belli bir sebäbe görä tiz-tizden dem almak, sojamak. *Wah, Taýmaz jan, hawa... neme, Eşitdiňmi? Arçyn aýtdy... Syganokdy demi-deme!* (K. Gurbannepesow). *Ol, demi demine ýetmän, kynlyk bilen dem aldy.* **Demi düşmek** okalan doganyň nepi degmek. **Demi düşüşmek** gahar-gazabyň bady gaýdyşmak, birneme ynjalmak, gahary ýatyşmak, köşeşmek. **Demi**

**gysmak** dem almasy agyrlaşmak, kynlaşmak. **Demi içine dolmak** asuda dem alyp bilmän gyssanmak, dem almakda kynçylyk çekmek. *Dura-bara demi içine dolup, Arap çişip ugrady* ("Görogly"). **Demi içine sygmazlyk** *ser.* **Demi demine sygmazlyk**. *Çagajyk demi içine sygman, sojady.* **Demi ýer ýarmak** edeni-diýeni geçmek, hökümi ýöremek. **Demine düşmek** penjesine, girisine düşmek; gazabyna sezewar bolmak. **Demini sanap ýatmak** ölüm halynda ýatmak. **Demiňi almazlyk** sesiňi çykarmazlyk, sem bolmaklyk, geplemän oturmaklyk. **Demiňi dürsemek** asuda dem almak, özüňe gelmek, özüňi rastlamak. *"Tas daljygypdym, demimi bir dürsäýin" diýip, ol peliň üstünde oturdy.* **Demiň içiňde bolmak** syr saklamak, bir zady aýtman, ýaşyryn saklamak. *Ýöne weli, Hally, biziň gitjekdigimizi bir adam-da bilmesin, demiň içiňde bolsun* (A. Durdyýew). **Demi sogrulmak** ölmek. *Garry atasy: "Demim sogrulýança bedeberrewlige ýol bermen" diýdi*. **Dem salmak** belli bir maksat bilen doga okap duza, guma we ş.m. zatlara çüflemek.

**DEMBERMEZ** [demmermez], *at.* Ötgür ýarag; gylyç. *Ol dembermezini dakyndy.*

**DEM-DÜÝT**, *at.* Ses-üýn, ses-seda. ◊ **Dem-düýt ýok** diri däl, öli. *Ýanyndakyda hem dem-düýt ýokdy* ("Edebiýat we sungat").

**DEM-DÜÝTSÜZ** [dem-düýssüz], *syp.* Demsiz, jansyz. *Olar dem-düýtsüz ýatyrdy.*

**DEM-DYNÇ** [dem-dy:nç], *at, ser.* **Dynç** **1**. *Dem-dynç alyp işe başlamak.*

**DEMGIR** [demği:r], *syp.* **1**. Kesgir. *Niçe müň tygy demgir, jöwherdar, Niçe müň naýzaýu-derire hanjar* (Abdysetdar Kazy). **2**. Haýbatly, buýruk beriji äheňli. *Bu oglan demgir eken* ("Görogly"). *Demgir gürlemeklik gowulugyň alamaty däl*.

**DEMGIRLIK** [demği:rlik], *at.* Haýbatlylyk, dogumlylyk, batlylyk. *Galanyň içindäki demgirlik meýdanda tapdyrýarmy?* ("Görogly").

**DEMGYSMA** [demğysma], *at. lukmanç*. Ýüregiň ýa-da öýkeniň dem alyş ýollarynyň kesellemegi netijesinde emele gelýän bogulma, agyrlyk bilen dem alma keseli.

**DEMGYSMALY** [demğysmaly], *syp.* Demgysma keseline sezewar bolan, demgysma keselli. *Men ýaly demgysmaly üçin bu aňsat iş däldi.*

**DEMIGIBERMEK** [demiğivermek], *işl.* Demigip başlamak, demigip ugramak.

**DEMIGIŞ** [demiğiş], *iş ady.* Demikmek ýagdaýy.

**DEMIKDIRIBERMEK** [demikdirivermek], *işl.* Demikdirip başlamak, demikdirip ugramak. *Gyzgyn howada ýagyş ýagandan soň daş çyksaň demikdiriberýär.*

**DEMIKDIRIJI**, *syp.* Demiňi tutup barýan, demiňi daraldyp barýan. *Demikdiriji howa.*

**DEMIKDIRMEK**, *işl.* Demini aldyrmazlyk, demiňi tutmak. *Ýandyryp barýan ýalyn bilen demikdirip barýan tüssäniň içinde Tarlan ikiýana urunýan eken* (B. Pürliýew).

**DEMIKME**, *iş ady.* Demikmek ýagdaýy.

**DEMIKMEK**, *işl.* Bir sebäbe görä demiňi alyp bilmezlik, demiň tutulmak, bogulmak. *Howa ýetmän demikmek. Ol gaty demigip başlanda, suwuň ýüzüne çykdy* (N. Jumaýew).

**DEMIKMEKLIK**, *iş ady.* Demikmek ýagdaýy.

**DEMIR**, *at.* **1**. Kümüşsow reňkli agyr metal, himiki element, çoýnuň we poladyň esasy düzüm bölegi. *Ol gurala kuwwat beren bilekler, Demirden, polatdan gaýym bolupdyr* (A. Agabaýew). **2**. Demirden ýasalan (önüm hakda). *Demir gapyrjak. Demir gapy*.

◊ **Demir döwkeç bolup durmak** depäňden injek ýaly bolup, goh-galmagal edip azar berip durmak. **Demir ýol** otlular, tokly ýöreýän ulaglar gatnar ýaly demirden edilen ýol, otly ýoly.

**DEMIRÇI**, *syp., at.* Demir gurallary, esbaplary ýasamak hem-de bejermek bilen meşgullanýan ussa, demir ussasy. *Bir demirçi ussanyň Ärhasan diýen ogly bardy* ("Görogly"). *Ol indi obanyň demirçi ussasy bolup işleýär* (A. Durdyýew).

**DEMIRÇILIK**, *at.* Demirçiniň käri, demirden her hili gural, esbap ýasamaklyk seneti. *Demirçilikden başga ýene-de bir täze hünäri ele aldyk.*

**DEMIRGAZYK** [demirğazyk], *at.* **1**. Dünýäniň dört tarapynyň biri, Günortanyň garşysyndaky tarap, gaýra. *Obanyň demirgazygy üzümçilikdi*. **2**. Şol ugurda ýerleşýän ýerler. *Ol demirgazykda gulluk edipdi.*

**DEMIRGAZYK-GÜNBATAR** [demirğazyk-günmatar], *at.* **1**. Demirgazyk bilen Günbataryň aralygyndaky tarap. *Demirgazyk-günbatardan öwüsýän şemal birden güýjedi.***2**. Şol ugurda ýerleşýän ýerler.

**DEMIRGAZYK-GÜNDOGAR** [demirğazyk--günnoğor], *at.* **1**. Demirgazyk bilen Gündogaryň aralygyndaky tarap. **2**. Şol ugurda ýerleşýän ýerler.

**DEMIRGAZYKLY** [demirğazykly], *syp.* Demirgazykda, demirgazyk ýurtlarda, taraplarda doglan, ýaşaýan adam. *Şu ýylyň gazaply sowugy hatda demirgazyklylyr üçin hem garaşylmadyk waka boldy.*

**DEMIRGÖZENEK** [demirğözönök], *at.* **1**. Demirden edilen gözenek, kapasa. **2**. *göç.m.* Tussaghana, zyndan.

**DEMIRGYR** [demirğy:r], *syp.* Çalymtyk gara reňkli (atyň reňki hakda). *Ýok, ata, demirgyr* ("Görogly"). *Şol öýüň işigindäki agylda demirgyr alaşa bilen ýorga sypatly al ýaby hem ullakan gök eşek bardy* (B. Kerbabaýew).

**DEMIRTIKEN**, *at.* Ýumşak ýaprakly, ýere ýazylyp ýatan tikenli ösümlik we şol ösümligiň togalajyk

pytanakly tikeni. *Demirtiken mart aýynyň aýaklarynda gögerýär, maý aýynda gülläp başlaýar.*

**DEMIRTIKENLIK**, *at.* Demirtikeniň köp biten ýeri. *Demirtikenlikde togalanan ýaly endam-jany tikenek-tikenek bolup jyzlaşdy* (N. Pomma).

**DEMIRÝOLÇY** [demirýo:lçy], *at.* Demir ýol ulagynyň işgäri. *Zähmetsöýer demirýolçular halk hojalyk ýüklerini daşamaklygyň ýyllyk borçnamasyny möhletinden ep-esli öň ýerine ýetirdiler.*

**DEMJIKDIRIJI**, *at, ser.* **Demikdiriji**.

**DEMJIKDIRMEK**, *işl., ser.* **Demikdirmek**.

**DEMKEŞ I**, *at.* Peçde ýanýan oduň tüssesini, howruny çekýän deşik, turba.

**DEMKEŞ II**, *at*, *gepl.* Içine guýlan suwy, nahary we ş.m. belli bir temperaturada saklamak üçin ýörite gap, termos.

**DEMLEME**, *iş ady.* Demlemek ýagdaýy.

**DEMLEMEK**, *işl.* Çäýnege atym çaý atyp, üstünden gaýnag suw guýmak. *Men olaryň boşan çäýneklerini gaýtadan demläp berdim* (H. Garabaýew).

**DEMLEMEKLIK**, *iş ady.* Demlemek ýagdaýy.

**DEMLENMEK**, *işl.* **1**. Çäýnege atym çaý atylyp, üstünden gaýnan suw guýlup goýulmak. *Magtymguly oňat demlenen gyzgyn çaýy lezzet bilen içip oturyşyna, gürrüňi dünýä giňişliginden galanyň töweregine getirdi* (G. Kulyýew). **2**. Özüň üçin demlemek, özüň üçin demläp goýmak. *Ol çaý demlenip, ýassyga tirsegini berip, içmäge başlady*.

**DEMLEŞDIRMEK**, *işl.* Yzly-yzyna birnäçe çäýnegi demlemek. *Ejesi hem çäýnekleri demleşdirip orta üýşüripdir-de, eline ullakan ak käsäni alyp, golçadan gowurdakly ýag çykarýar* (A. Durdyýew).

**DEMLEŞMEK**, *işl.* Çäýneklere çaý atyşyp, gaýnan suw guýuşmak, demlemäge kömekleşmek. *Çaý demleşmek.*

**DEMLETMEK**, *işl.* Demlemek işini başga birine etdirmek, demlemäge mümkinçilik bermek, demlemäge mejbur etmek; atym çaý atdyryp, üstünden gaýnag suw guýdurmak. *Ýaşuly aýalyna çaý demledip, tirsegini ýassyga berdi.*

**DEMLEÝIŞ**, *iş ady.* Demlemek ýagdaýy.

**DEMLÄBERMEK** [demlä:vermek], *işl.* Demläp başlamak, demläp ugramak.

**DEMLI**, *syp.* Demlengi, demlenip goýlan. *Ol demli duran çaýdan bir käse içip-içmänkä, Gülnar onuň öňüne bir okara agaran getirip goýdy* (B. Pürliýew).

**DEMLIK**, *at.* Dem almak we dem çykarmak üçin öýkene barýan ýoluň ýokarky bölegi. *Ýaman habar adamyň depesinden basyp, demligini daraldýan agyr labyr bolsa, ýagşy habar ajaýyp bir zat bolup, oňa ganat bagladýar-da, çökgün göwnüňi al-asmana göterýär* (B. Kerbabaýew).

**DEMME-DEM**, *hal.* Her demde, her dem alnanda, yzly-yzyna; üznüksiz, hemişe. *Demme-dem ah urup, ýara ýar diýsem, Arzuwyn çeker men ýar, gara gözli* (Halk aýdymyndan).

**DEMOKRAT** [demokyra:t], *at.* Demokratiýanyň tarapdary.

**DEMOKRATIK** [demokyra:tik], *syp.* Demokratiýa esaslanýan, demokratiýany amala aşyrýan. *Demokratik ýurt. Demokratik gurluş. Demokratik garaýyşly.*

**DEMOKRATIÝA** [demokyra:tyýa], *at.* Jemgyýetiň syýasy guramasynyň halkyň döwlet işlerini çözmäge gatnaşmak hukugyna, raýatlara giň hukuklar we azatlyklar bermeklige esaslandyrylan gurluşynyň görnüşi. *Demokratiýa barada aýdylanda bolsa, bu näzik substansiýany taýýar daşary ýurt modellerini ulanyp ornaşdyryp bolmaýar* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr"). *Türkmenistanda kanun çykaryjy organlara yzygiderli geçirilýän saýlawlar demokratiýanyň berjaý edilýändigine şübhe döretmeýär* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr").

**DEMOKRATIÝALAŞDYRMAK** [demokyra:tyýalaşdyrmak], *at.* Demokratik başlangyçlary ornaşdyrmak. *Türkmen jemgyýetini demokratiýalaşdyrmak, gadymdan bäri türkmen halkyna mahsus bolan we Garaşsyzlyk eýýamynda gaýtadan dikeldilen hakyky halk häkimiýetlilik däplerini pugtalandyrmak ýoly dowam etdiriler* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr").

**DEMREW** [demröw], *at. lukmanç.* Deriniň ýüzünde, aýratyn hem ýüzde, elde tegelek-tegelek tozgalap duran deri keseli.

**DEMREWLI** [demröwlü], *syp.* Demrew keseli bar bolan.

**DEMRIGIBERMEK** [demriğivermek], *işl.* Demrigip başlamak, demrigip ugramak.

**DEMRIKDIRIBERMEK** [demrikdirivermek], *işl.* Demrikdirip başlamak.

**DEMRIKDIRILMEK**, *işl.* Depelenip ýa-da basgylanyp baslykdyrylmak, synçgylanylyp daş ýaly gaty edilmek. *Demrikdirilen ýer.*

**DEMRIKDIRIŞ**, *iş ady.* Demrikdirmek ýagdaýy.

**DEMRIKDIRME**, *iş ady.* Demrikdirmek ýagdaýy.

**DEMRIKDIRMEK**, *işl.* Demrikmäge mümkinçilik bermek, sebäp döretmek; depeläp ýa-da basgylap baslykdyrmak, synçgylap demir ýaly gaty etmek. *Hawa, onsoň ýüzläp-ýüzläp baldyrlaryny çyzgap, çekilen ol gumlary, ana, şol beýik alaňy depeläp demrikdiripdirler* ("Edebiýat we sungat").

**DEMRIKME**, *iş ady.* Demrikmek ýagdaýy.

**DEMRIKMEK**, *işl.* Synçgylanyp, basgylanyp ýa-da başga bir sebäpden baslykmak, gatamak.

**DEMRIKMEKLIK**, *iş ady.* Demrikmek ýagdaýy.

**DEMSIZ-DÜÝTSÜZ** [demsiz-düýssüz], *syp., ser.* **Dem-düýtsüz**. *Ol demsiz-düýtsüz ýaly bolup, azajyk ýatandan soň: – Wah! – diýip, çabalanmaga başlady* (A. Gowşudow).

**DENDAN** [denna:n], *at.* Diş. *Ýetmişiňde dendan-dişiň döküler, Sonasy awlanan köle meňzärsiň* (Zelili). *Garrynyň nyşany – bili büküler, Dahanyndan dendanlary döküler* (Hatam şahyr).

**DENOMINASIÝA** [denomina:siýa], *at.* Pul dolanyşygyny düzgün-tertibe salmak we milli walýutany pugtalandyrmak maksady bilen ýurduň pul birliginiň hümmetini ýokarlandyrmaklyk. *Türkmenistanda 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan milli manadyň denominasiýasy amala aşyryldy.*

**DEŇ**, *syp.* **1**. Ululygy, hili, hukugy, ähmiýeti we ş.m. boýunça biri-birlerine meňzeş bolan. **2**. Barabar, laýyk, bap. *Onuň sözi bilen işi deň gelýär.* **3**. Ýaşytdaş, boýdaş, deň-duş. *Myrat-maksat köýen çaglar, Deň bilen duşlar, hoş galyň* (Hatam şahyr). **4**. Deňiç, çenli. *Şu güne deň näme işlediň?*

◊ **Deň bolmazlyk** özi ýaly bolmazlyk, parhly bolmaklyk. *– Şu köpbilmişler bilen deň bolmaýyn – diýip içini gepletdi-de, ýaşmak aşagyndan salykatly gürledi* (R. Allanazarow). **Deň gara gözli** barysy-da meňzeş, deň, parhsyz, tapawutsyz. *Onuň üçin hemme adam deň gara gözlüdi.* **Deň gözde görmek (garamak, seretmek)** hemmelere deň garaýyş bilen seretmek, hemmeleri deň tutmak.

**DEŇAGRAMLY** [deňağramly], *syp.* Agramy boýunça deň, agyrlyk ölçegi meňzeş bolan. *Tebigatyň hemişe sazlaşykly, deňagramly dowam etmegi üçin onuň baýlyklary oýlanyşykly, aýawly we akylly-başly peýdalanylmalydyr* ("Türkmenistan").

**DEŇAGRAMLYLYK** [deňağramlylyk], *at.* Her hili ýagdaýda bedeniňi, göwräňi belli bir kadada saklamaklyk.

**DEŇ-DERMAN** [deň-derman], *hal, gepl.d.*. Des-deň, deň. *Olar girdejini deň-derman paýlaşdylar*.

**DEŇDEŞ**, *syp.*, *dil b.* Hyzmatlary taýdan biri-birine deň bolan. *Sözlemiň deňdeş agzalarynyň aralarynda otur goýulýar.*

**DEŇDEŞLIK**, *at.* Biri-birine deňlik, barabarlyk.

**DEŇ-DUŞ** [deň-du:ş], *at.* Ýaşlary biri-birine ýakyn adamlar, ýaşytdaş, bile önüp-ösenler. *Mähriniň özi bilen bir institutda bile okaýan deň-duş gyzlaryndan we beýleki ýokary mekdeplerde okaýan gyzlardan hem gaty gowy görşüp tirkeşen gyzlary kändi* (A. Gowşudow).

**DEŇE**, *at.* Bir zadyň deňi, gapdaly, gabady. *Hol, gaýanyň depesine oturan Bagyň deňesinden tabytly geçdim (G.Ezizow).*

**DEŇEÇ**, *ser.* **Deňiç**.

**DEŇEÇER**, *hal.* Barabarrak, deňräk, biri-birine laýygrak. *Özüňiz bilen deňeçer etseňizem oňaryn* ("Görogly").

**DEŇEÇERLEME**, *iş ady.* Deňeçerlemek ýagdaýy.

**DEŇEÇERLEMEK**, *işl.* Deňräk etmek, barabarrak, biri-birine laýygrak etmek.

**DEŇEÇERLIK**, *at.* Deňräk, barabarrak gelmeklik, deňme-deň bolmaklyk, deňräklik.

**DEŇE-DEŇ**, *hal, ser.* **Deňme-deň**. *Oglanlar depderlerini deňe-deň alyşdylar. Oýun bu gezek hem edil öňküsi ýaly deňe-deň gutardy.*

**DEŇE-DEŇLIK**, *at, ser.* **Deňme-deňlik**. *Oýun deňe-deňlik bilen gutardy.*

**DEŇELMEK**, *işl.* **1**. Bir zadyň ikinji bir zada laýyk gelýändigi ölçelip görülmek. *Tikilýän jalbarlar tikmegi buýran eýeleriniň boýuna deňeldi.* **2**. Deňeşdirilmek, meňzedilmek, deň bahaly hasaplanmak. *Serçemen agajy bile deňeler, Ajap, guş salmaly awlahlary bar* (Magtymguly).

**DEŇEME**, *iş ady.* Deňemek ýagdaýy.

**DEŇEMEK**, *işl.* **1**. Bir zadyň ikinji bir zada laýyk gelýändigini ölçäp görmek. *Jalbary boýuňa deňemek.* **2**. Deňeşdirmek, meňzetmek, deň bahaly hasaplamak. *Sen meni oňa deňeme, men oň ýaly däldirin.*

**DEŇEMEKLIK**, *iş ady.* Deňemek ýagdaýy.

**DEŇEŞDIRIBERMEK** [deňeşdirivermek], *işl.* Deňeşdirip başlamak, deňeşdirip ugramak.

**DEŇEŞDIRILMEK**, *işl.* Meňzeşligini ýa-da tapawudyny bilmek üçin, biri-birine garşy goýulmak, anyklamak, deňelip görülmek.

**DEŇEŞDIRIŞ**, *iş ady.* Deňeşdirmek ýagdaýy.

**DEŇEŞDIRME**, *iş ady.* Deňeşdirmek ýagdaýy.

**DEŇEŞDIRMEK**, *işl.* Meňzeşligini ýa-da tapawudyny bilmek üçin biri-birine garşy goýmak, anyklamak, deňäp görmek.

**DEŇEŞDIRMEKLIK**, *iş ady.* Deňeşdirmek ýagdaýy.

**DEŇEŞDIRMEZLIK**, *iş ady.* Deňeşdirip görmezlik.

**DEŇEŞME**, *iş ady.* Deňeşmek ýagdaýy.

**DEŇEŞMEK**, *işl.* Biri bilen boýuňy deňäp görmek, matany, eşigi boýuňa ölçäp görmek.

**DEŇEŞMEKLIK**, *iş ady.* Deňeşmek ýagdaýy.

**DEŇETDIRMEK**, *işl.*, ser. **Deňetmek**.

**DEŇETMEK**, *işl.* Deňemek işini başga birine ýerine ýetirtmek, deňemäge mümkinçilik bermek, deňemäge mejbur etmek.

**DEŇEÝIŞ**, *iş ady.* Deňemek ýagdaýy.

**DEŇÄBERMEK** [deňä:vermek], *işl.* Deňäp başlamak, deňäp ugramak.

**DEŇHUKUKLY** [deňhuku:kly], *syp.* Kimdir biri bilen hukugy deň.

**DEŇHUKUKLYLYK** [deňhuku:kluluk], *at.* Deňhukukly ýagdaýda bolmaklyk, hukugy deňlik.

**DEŇIÇ** [deňi:ç] ″Çenli, barýança″ manysyndaky sözsoňy kömekçisi.

**DEŇI-TAÝY** [deňi-ta:ýy]**: deňi-taýy bolmadyk (ýok)** örän artyk, ýokary derejede bolan, artykmaç, gowulygy, hili taýdan aňrybaş.

**DEŇIZ**, *at.* **1**. Ajymtyk şor suwly, uly suw giňişligi.

**DEŇIZÇI**, *at.* Deňiz gatnaw serişdeleriniň işgäri, deňizde gulluk edýän, işleýän adam.

**DEŇIZÇILIK**, *at.* Deňiz gatnaw serişdelerine degişli işler bilen meşgul bolmaklyk käri.

**DEŇLEME**, *iş ady.* **1**. Deňlemek ýagdaýy. **2**. *at, mat.* Bir ýa-da birnäçe näbelli ululyklardan ybarat matematiki deňlik.

**DEŇLEMEK**, *işl.* **1**. Bir zadyň ikinji bir zat bilen boýuny, uzynlygyny we ş.m. deň getirmek. *Agaçlaryň boýuny deňläp kesmek*. **2**. San, mukdar taýdan deň etmek. *Derwezä urlan soňky pökgi hasaby deňledi*. **3**. Gabatlamak, laýyk etmek, sazlaşmak. **4**. Birini ikinji biri bilen bir hatarda tutmak, deň görmek, tapawut goýmazlyk.

**DEŇLEMEKLIK**, *iş ady.* Deňlemek ýagdaýy.

**DEŇLENMEK**, *işl.* Deň getirilmek; deň edilmek, barabar edilmek, laýyk gelmek, möçberi boýunça meňzeş bolmak; deň görülmek, tapawut goýulmazlyk.

**DEŇLEŞDIRMEK**, *işl.* Deň, barabar edişdirmek. *Oýnuň ikinji ýarymynda futbolçy myhmanlar öz hasaplaryny aşgabatlylar bilen deňleşdirýär*.

**DEŇLEŞIBERMEK** [deňleşivermek], *işl.* Deňleşip başlamak, deňleşip ugramak.

**DEŇLEŞME**, *iş ady.* Deňleşmek ýagdaýy.

**DEŇLEŞMEK**, *işl.* **1**. Bir zat ikinji bir zat bilen deň bolmak, barabarlaşmak. *Ýöne ýaz mizanyna – gije bilen gündiziň deňleşmegine entek salym bardy* (B. Gurbanow). **2**. Öňden barýanlaryň yzyndan ýetmek, öňdäkileriň hataryna goşulmak.

**DEŇLETMEK**, *işl.* Deň bolar ýaly etdirmek, deň bolmagyna sebäp bolmak, mümkinçilik döretmek.

**DEŇLÄBERMEK** [deňlä:vermek], *işl.* Deňläp ugramak, deňläp başlamak.

**DEŇLI-DEREJELI**, *syp.* **1**. Bezelip, bejerilip oňat ýasalan, gowy, rejeli, hiç bir kemsiz. *Ýogsa Sähediň pyçagy, başga birnäçeleriňki ýaly, tylla gynly, almaz tygly, deňli-derejeli pyçak hem däldi, ak süňk saply, jöwher-polat tygly ýönekeý pukara pyçagydy* (A. Gowşudow). **2**. Dabaraly, gurnalyşy gowy. *...Milli baýramçylygymyz hem deňli-derejeli geçdi* (″Türkmenistan″).

**DEŇLIK**, *at.* **1**. Bütinleý meňzeşlik, barabarlyk, laýyklyk, gabat gelmeklik, deň bolmaklyk. *Jaýyň üstüne atylýan pürsleriň deňligine seretmeli*. **2**. Jemgyýetiň önümçilik serişdelerine deňhukuklylyk, deň ygtyýarlylyk, deň gatnaşyklylyk. **3**. *Sport*. Oýnuň netijesiniň iki tarapyň biri-birini utman, deňe-deň gutarmagy. *Oýun deňlik bilen gutardy*. **4**. Iki bölekden durýan we özara deň bolan algebraik aňlatma. *Deňlik alamaty* (=).

**DEŇME-DEŇ**, *hal, syp.* **1**. Bir zadyň ikinji bir zat bilen barabar, deň gelmegi; agramyna-agram, başa-baş, deňe-deň. *Deňme-deň söwdanyň üstesi bolmaz* (Magtymguly). **2**. *Sport*. Oýnuň, ýaryşyň deň gutarmagy, deňlik.

**DEŇME-DEŇLIK**, *at.* Deňe-deňlik, deňlik. *Oýun deňme-deňlik bilen gutardy.*

**DEŇŇENE**, *at.* Oturylyşykda harjysy deň çekilip bişirilýän nahar. *Deňňenä deň şärik* (Atalar sözi). *Öýüň daşyndan eşidilýän gürrüňe görä, jahyllar üýşüp, deňňene edinmek maslahatyny geçirýärdiler* (B. Kerbabaýew).

**DEŇÖLÇEGLI** [deňölçöğlü], *syp.* Meňzeş ölçegli, ölçegi taýdan meňzeş bolan.

◊ **Deňölçegli hereket** *fiz.* hemişelik tizlikdäki hereket. *Hemişelik tizlikli herekete deňölçegli hereket diýilýär.*

**DEŇÖLÇEGLILIK** [deňölçöğlülük], *at.* Deňölçegli bolmaklyk.

**DEŇSIZ**, *syp.* Ahlaksyz, bolgusyz, ugursyz (adam). *Deňsiz bilen deň bolma* (Atalar sözi). *Deňsiz bile deň eýleseň özüňni, Dert boluban geçer sözi janyňdan* (Magtymguly).

**DEŇSIZLIK**, *at.* Deňhukukly dällik.

**DEŇSIZ-TAÝSYZ** [deňsiz-ta:ýsyz], *syp.* Örän artyk derejede bolan, örän artykmaç, deňi-taýy bolmadyk, ajaýyp, tapylgysyz. *Deňsiz-taýsyz sungat eserlerini döretmek.*

**DEŇSIZ-TAÝSYZLYK** [deňsiz-ta:ýsyzlyk], *at.* Deňi-taýy ýokluk.

**DEŇTARAPLY**, *syp.*, *mat.* Taraplary deň bolan. *Deňtaraply üçburçluk*.

**DEŇTARAPLYLYK**, *at.* Deňtaraply ýagdaýda bolmaklyk.

**DEP I**, *at.* **1**. Gurşawy tegelek, kakylyp çalynýan gadymy saz guraly. *Dep saz guralynyň bir tarapyna geçiniň hamy çekilip ýasalýar.* **2**. *gepl. d., ser.* **Deprek**.

**DEP II: dep bolmak** ýok bolmak, aýrylmak, aýrylyp gitmek. *Misgin düşen, Magtymguly eňremez, Ýüreginden gam-gussalar dep bolsa* (Magtymguly). *Kemine, gepim gep bolar, Diýsem, dertlerim dep bolar*

(Kemine). **Dep etmek** ýok etmek, daş etmek, öňüni almak. *Meniň şol belamy dep etseň, onsoň maňa aga bolup bilersiň* ("Görogly").

**DEPBE**, *at.* **1**. Çyryş, garadendan ýaly otlaryň gaýnadylan köküne un, kepek garylyp eýlenip, küýzä meňzeş edilip ýasalýan, ýag, toşap guýulýan gap. **2**. *gepl.d.* Nebit we ş.m. suwuklyk guýulýan demir gap. *Ol kündügi ýere goýdy-da, nebitli depbäni alyp ilerligine ýumlugaýdy* (N. Pomma).

**DEPBE-DEŇ**, *hal, syp., gepl.d.* Biri-birine örän deň, des-deň.

**DEPÇI**, *at.* Dep çalýan, dep kakýan adam.

**DEPDER**, *at.* **1**. Çatylan daşly ak kagyzlar. **2**. *gepl.d.* Käbir maglumatlar ýazylýan kitapça.

**DEPDERÇE**, *at.* Kiçijik depder. *Ol oňa hiç bir jogap gaýtarmaga-da ýetişmän, gyssag arada ýazgy depderçesi bilen galam uzatdy-da, gapyny çalasyn ýapdy* (B. Kerbabaýew).

**DEPDIRME**, *iş ady.* Depdirmek ýagdaýy.

**DEPDIRMEK**, *işl.* **1**. Depmek hereketini başga birine etdirmek, depmäge mümkinçilik bermek, depmäge mejbur etmek; toýnak saldyrmak, aýak bilen urdurmak. **2**. Ýeri pil bilen agdartmak.

**DEPE**, *at.* **1**. Tebigy ýa-da emeli ýol bilen dörän ullakan gum üýşmegi. *Daglar ýeriň myhydyr, Depe özün dag saýar* (Magtymguly). **2**. Bir zadyň çür başy, ýokary başy, ýokarky nokady. *Belent gerşiň depesine çykyp, uzak durmaly boldy* (B. Seýtäkow). **3**. Bir zadyň ýokarky, üstki bölegi, ýokarsy, üsti. *Tahýanyň depesidir etegini birikdirýän egin keşdesine öwran-öwran dikanlap seretdi* ("Edebiýat we sungat"). **4**. Kelle, baş. *Telpegini diwanyň üstüne taşlan başlygyň diňe depesindäki maýda keşdeli kiçijik börügi gutyň gapagy ýaly görünýärdi* (B. Kerbabaýew).

◊ **Depe saçyň düýrükmek (üýşmek)** duýdansyz ýagdaýda gorkmakdan, ýiti täsirden üstüňden sowuk suw guýlan ýaly bolmak. *Täzeligiň hemme ýerde öňe sürülýändigi ýadyna düşende welin, depe saçy düýrügip gidýärdi* (G. Seýitmädow). *Muňa Annagulynyň depe saçy üýşüp, der basyp gitdi* (A. Durdyýew). **Depesi (asmana) göge ýetmek** bir zada şatlanyp, örän hoşal bolmak, göwni ýetmek. *Agaýunusyň sözüne Kösäniň depesi göge ýetdi* ("Görogly"). *Otdan abat çykyp geldi sag-aman, Depäm göge ýetdi, meniň şo zaman* (A. Kekilow). **Depesinden basmak** agramyny atyp, ruhy taýdan güýçden gaçyrmak, ynjalykdan aýyrmak. *Ýaman habar adamyň depesinden basyp, demligini daraldýan agyr labyr bolsa, ýagşy habar ajaýyp bir zat bolup, oňa ganat bagladýar-da, çökgün göwnüňi al asmana göterýär* (B. Kerbabaýew). **Depesinden gum sowurmak** eline pilini alyp, arman-ýadaman zähmet çekmek. *Ol çagalaryny hor-zar etmejek bolup, ömür boýy depesinden gum sowrup, daýhançylyk edipdi.* **Depesinden sowuk (gyzgyn, gaýnag) suw guýlan ýaly bolmak** duýdansyz bolan zada allaniçiksi bolmak, örän geň galmak. **Depesinde taýak oýnatmak** berk saklamak, gazaply we zabun tutmak. **Depesine turşy çykan ýaly** aňk bolan ýaly, saňsar bolan ýaly. **Depäňe (başyňa) täç etmek** örän oňat sylamak, hormat goýmak, sarpa goýmak. *Gadyrdan dostuňdan ýüzüň öwürme, Barsaň, depesine täç eder seni* (Magtymguly). **Depäňe (başyňa) çykmak** erbetligi artmak, äsgermän, sylaman hereket etmek. *Özüne-de kän ýüz beriberme, derrew depäňe çykyp başlar* (B. Seýtäkow).

**Depäňi gaýnatmak** zähmet çekmek, arman-ýadaman işlemek. *Tomus depesi gaýnamadygyň, gyş gazany gaýnamaz* (Nakyl).

**DEPEBAG** [depeva:ğ], *at.* Hatabyň ýokarky bölegi berkidilýän ýüp.

**DEPEDIŞ** [depedi:ş], *at.* Çagalarda diş çykmak bilen baglanyşykly içgeçme keseli.

**DEPE-DÜZ**, *at.* Beýikli-pesli ýerler, beýik we pes.

**DEPEGEN** [depeğen], *syp., ser.* **Depek**. *Depegenden daşrak* (Nakyl).

**DEPEK**, *syp.* Depmäge endik eden, depmek häsiýeti bar bolan, depegen. *Depek eşek. Depek düýe.*

**DEPEL**, *at.* Haýwanlaryň maňlaýynda, alnynda bolýan ak tegmil, sakar. *Onuň maňlaýyndaky depeli ýalpyldady* (B. Kerbabaýew).

**DEPELEME**, *iş ady.* Depelemek ýagdaýy.

**DEPELEMEK**, *işl.* **1**. Aýagyň bilen basgylamak, depgilemek. *Yklym oda eglip seretdi, onuň üstüne gum sürdi-de, ony berk depeledi* (A. Durdyýew). **2**. *göç.m.* Äsgermezlik etmek, ezýet bermek, zulum etmek.

**DEPELEMEKLIK**, *iş ady.* Depelemek ýagdaýy.

**DEPELENMEK**, *işl.* **1**. Aýak bilen basgylanyp, döwelenip baslykdyrylmak, basgylanyp berkidilmek. *Men nahaly aýak astynda depelenmesin diýip göçürdim.* **2**. *göç.m.* Äsgermezlik edilip, ezýet berilmek, zulum edilmek, sütem edilmek.

**DEPELEŞDIRMEK**, *işl.* Aýak bilen birnäçe gezek, yzly-yzyna depelemek, basgylaşdyrmak, depgileşdirmek. *Howry gaçan ody aýagy bilen depeleşdirdi.*

**DEPELEŞIBERMEK** [depeleşivermek], *işl.* Depeleşip başlamak, depeleşip ugramak.

**DEPELEŞMEK**, *işl.* **1**. Depeläp baslykdyrmaga, garyşdyrmaga kömekleşmek. **2**. *göç.m.* Depeleşip oýnamak. *Bu depäniň üstüne obanyň oglanlary gelip, tä garaňky gatlyşýança wagtlaryny depeleşip geçirerdiler.*

**DEPELETMEK**, *işl.* **1**. Depelemek işini başga birine etdirmek, depelemäge mümkinçilik bermek, depelemäge mejbur etmek. **2**. *göç.m.* Äsgermezlik

etdirip, ezýet berdirmek, zulum etdirmek, sütem etdirmek, horlatdyrmak. *Ol özüni depeledip ýörmez*.

**DEPELEÝIŞ**, *iş ady.* Depelemek ýagdaýy.

**DEPELÄBERMEK** [depelä:vermek], *işl*. Depeläp başlamak, depeläp ugramak.

**DEPELIK I**, *at.* Depe-depe bolup duran ýer, depäniň köp ýeri. *Ýoluň gaýra taýy gök otlara bürenip oturan beýik depelik bolup başlady.*

**DEPELIK II**, *at.* Telpegiň, tahýanyň depesine tutmak üçin niýetlenen mata ýa-da başga bir serişde.

**DEPEŞEK**, *at.* **1**. Döwkeç, goh-galmagal. *Ekin içi depeşekdir, Ylgar ýelä, ylgar yga* (Ç. Aşyr). **2**. Köp adamly. *Gün günorta bolanda-da, gije ýaryma ýetende-de, olaryň üsti depeşekdi* (B. Seýtäkow).

**DEPEŞEKLEME**, *iş ady.* Depeşeklemek ýagdaýy.

**DEPEŞEKLEMEK**, *işl., ser.* **Depirjiklemek**.

**DEPEŞEKLÄBERMEK** [depeşeklä:vermek], *işl*. Depeşekläp başlamak, depeşekläp ugramak.

**DEPGI**, *at.* **1**. Aýak bilen depilip urulýan urgy. *– Häli hem bolsa, onuň oglan-uşaga depgi bererligi bardyr – diýip, iki sany ýasawulyny iberdi* ("Nejep oglan"). **2**. *göç.m.* Horluk, zulum, sütem. *Million ýyllap gezip depgi astynda, Ezilip aýakda galdy garyplar* (Durdy Gylyç). **3**. Tüpeňiň, sapançanyň gulagy. *Haýal etmän gysdy Çoýan Sapançanyň depgisini* (R. Seýidow). **3**. Käbir ýerlerde piliň gulagynyň deregine sapyň pilden çykyp duran ýeriniň ýokary ýanyndan sapy deşilip, içinden geçirilýän agaç gulak.

**DEPGILEME**, *iş ady.* Depgilemek ýagdaýy.

**DEPGILEMEK**, *işl.* **1**. *ser.* **Debsemek**. *Giň ýürek daralýar, howlugýar; tiz baryp, aýgydyna ýetsem diýip, eşegini näçe depgiläp sürýär* (H. Derýaýew). **2**. Aýak bilen basgylamak, depelemek. *Palçygy agşama çenli depgilediler.* **3**. *göç.m.* Azar bermek, zulum, sütem etmek, horlamak, ezmek. *Olaryň käbirleri öz çagalarynyň iň güýçli duýgularyny depgileseler, eýlekileriniň duýgy diýen zatdan habary-da ýokdy* (N. Jumaýew).

**DEPGILENMEK**, *işl.* **1**. Aýak bilen basgylanmak, depelenmek, depilmek. **2**. *göç.m.* Azar berilmek, zulum, sütem edilmek, ezilmek.

**DEPGILETDIRMEK**, *işl*., ser. **Depgiletmek**.

**DEPGILETMEK**, *işl.* **1**. Debsetmek. *Aty depgiledip sürdürmek*. **2**. Aýak bilen basgylatmak, depeletmek. **3**. *göç.m.* Azar berdirmek, zulum, sütem etdirmek, ezýet berdirmek.

**DEPGILEÝIŞ**, *iş ady.* Depgilemek ýagdaýy.

**DEPGILÄBERMEK** [depgilä:vermek], *işl.* Depgiläp başlamak, depgiläp ugramak.

**DEPGIN**, *at.* **1**. Bir işi, tabşyrygy we ş.m. ýerine ýetirmegiň çaltlyk derejesi, bat, hyjuw. *Iş depgini. Lebap, Mary, Daşoguz welaýatlarynyň hojalyklarynda hem galla oragynyň depgini güýçlenýär* ("Türkmenistan"). **2**. *sazç*. Saz eseriniň ýerine ýetirilişiniň çaltlyk derejesi. *Gaýraty kem bolar gahary azyň, Depgini pes bolar matamda sazyň* (Magtymguly).

◊ **Depgin daşlary** biri-birine urlup, saza öwüşgin berýän iki sany ýylmanak daş.

**DEPGINLI**, *syp.* Depgini, hyjuwy, bady, gaýraty bar bolan. *Depginli hereket etmek.*

**DEPIBERMEK** [depivermek], *işl.* Depip başlamak, depip ugramak.

**DEPILMEK I**, *işl.* Aýak bilen urulmak. *Depilen top derwezä girdi.*

**DEPILMEK II**, *işl.* Ýer agdarylmak, pil bilen agdarylyp ýumşadylmak, bejerilmek. Ýer depilmek. *Üzümli peller depilip bolundy.*

**DEPIM**, *at, ser.* **Depin I**. *Joýalary bir depim çuňaltmak*.

**DEPIN I**, *at.* Pil bilen bir gezek depilendäki çuňluk, depim. *Bu ýerden bir depin alsaň, aşakdan suw çykar.*

**DEPIN II**, *at.* Jaýlama, gömme. *Elkyssa, bu sözden soň Senuber Ziwerniň jynazasyny okap depin kyldy* ("Gül-Senuber").

**DEPIRJEME**, *iş ady.* Depirjemek ýagdaýy.

**DEPIRJEMEK**, *işl., ser.* **Depirjiklemek**. *Dört egniň üstünde ýerleşen togalak sygyr, olar sähelçejik çaýkansalar, depirjäp başlady* (B. Kerbabaýew).

**DEPIRJETMEK**, *işl., ser.* **Depirjikletmek**. *Aýajyklaryny depirjedip, çaganyň gorjanyp başlamagy enäni agyr oýlardan halas etdi*.

**DEPIRJÄBERMEK** [depirjä:vermek], *işl.* Depirjäp başlamak, depirjäp ugramak.

**DEPIRJIK**, *syp.* Aýak astyna salýan, yzgytsyz. *Dek başyňy depirjik äre berme* (Nakyl).

**DEPIRJIKLEME**, *iş ady.* Depirjiklemek ýagdaýy.

**DEPIRJIKLEMEK**, *işl.* **1**. Aýaklaryň bilen yzly-yzyna depýän ýaly hereket etmek. *Bu çaga göýä tora düşen jeren balasy ýaly depirjikleýärdi* ("Görogly"). **2**. *gepl.d.* Çalt-çalt hereket edip ýöremek. *Işe göýdük üsti ýükli eşegim, Depirjikläp batly-batly ýörýärdi* (A. Kekilow).

**DEPIRJIKLETMEK**, *işl.* Aýaklaryňy yzly-yzyna depýän ýaly hereketlendirmek.

**DEPIRJIKLÄBERMEK** [depirjiklä:vermek], *işl.* Depirjikläp başlamak, depirjikläp ugramak.

**DEPIŞ I**, *iş ady.* Depmek ýagdaýy.

**DEPIŞ II**, *iş ady.* Depmek ýagdaýy.

**DEPIŞMEK I**, *işl.* Iki ýa-da birnäçe bolup biri-biriňi depmek. *Iki at depişer, arasynda eşek öler* (Nakyl).

**DEPIŞMEK II**, *işl.* **1**. Birine ýer depmäge kömekleşmek, ýer agdaryşmaga kömek etmek. *Ol Merede ýer depişdi*. **2**. Bilelikde ýer depmek.

**DEPIZ**, *at.* Daş-töweregini gum gurşap alan şor toprakly ýer. *Şondan aňyrda bir depiz garalyp ýatanyny bilýärdim.*

**DEPJEDIBERMEK** [depjedivermek], *işl.* Depjedip başlamak, depjedip ugramak.

**DEPJEME**, *iş ady.* **1**. Depjemek işi. **2**. Matanyň iki gyraň tarapynyň biri ýokarrak, biri aşagrak tutulyp sanjylyp tikilensoň, ikinji gezek aýlanylyp, ýokarrak tutulan tarapy beýleki tarapyň üstüne ýatyrylyp basdyrylyp tikilýän tikiniň bir görnüşi. *Ol gyzyna tikin tikmekligiň depjeme, gaýma, keşde, köjüme ýaly usullaryny öwredýär.*

**DEPJEMEK**, *işl.* Matanyň iki gyrasyny biri-birine ýabşyryp, gapjap, tikiniň depjeme görnüşi bilen tikmek. *Tahýanyň içligini ilki depjemeli.*

**DEPJEMEKLIK**, *iş ady.* Depjemek ýagdaýy.

**DEPJEŞMEK**, *işl.* **1**. Depjemäge kömek etmek, kömekleşmek. *Owadan jorasyna köýnek depjeşdi.* **2**. Birnäçe bolup bilelikde depjemek. *Gyzlar köýnegiň depjim etmeli ýerini depjeşip otyrlar.*

**DEPJETMEK**, *işl.* Depjemek işini birine etdirmek; geýimlik matanyň iki gyrasyny, geýimiň ýyrtylan ýerini, gapjadyp tikdirmek, biri-birine ýabşyrtmak. *Ol maňa çaý haltajygyny depjetdi.*

**DEPJEÝIŞ**, *iş ady.* Depjemek ýagdaýy.

**DEPJÄBERMEK** [depjä:vermek], *işl.* Depjäp başlamak, depjäp ugramak.

**DEPME I**, *at.* Gyzlaryň ýerde çyzyp, bir zady depip oýnaýan oýny. *Gyzlar tä iňrik garalýança depme oýnadylar.*

**DEPME II**, *iş ady.* Depmek ýagdaýy.

**DEPME III**, *iş ady.* Depmek ýagdaýy (ýer agdarma).

**DEPME-HALAL** [depmehala:l]**: depme-halal etmek 1)** öldürilýän malyň diridigi gümana bolan halatynda gymyldysy bar diýip özüňi ynandyrmak üçin aýagyň bilen onuň bir ýerine depip, damagyny çalmak. **2)** bir işi bolşuna görä çalak-çulak ýerine ýetirmek. *Şonluk bilen şu işi Abadan depme-halal etdi* (H. Derýaýew).

**DEPMEK I**, *işl.* **1**. Toýnak salmak; aýagyň bilen urmak. *Eşek semrese, eýesini deper* (Nakyl). *Mährijemal içini gepledip, assa ýöräp, şol wagt top depip oýna gyzan Keljä ýakynlaşdy* (A. Gowşudow). **2**. Ot açýan ýarag atylanda bady yzyna urmak. *Ýok, sen atyp bilmersiň, bu tüpeň gaty depýär. Seni dagyny depäýse, edil serrelder goýbär* (A. Durdyýew). **3**. *gepl.d.* Atyň, eşegiň böwrüne depgilägede çapdyryp gitmek. *Anha, atlar eýerlengi dur. Howatyrly ýagdaý duş gelse, müner-de deperin* (B. Kerbabaýew).

◊ **Depseň yranmaz (deprenmez)** egsilmez, mizemez, tükeniksiz (mülk, baýlyk, döwlet barada). *Her näme-de bolsa, ol depseň yranmaz döwletiň eýesidi* (A. Gowşudow).

**DEPMEK II**, *işl.* Ýeri pil bilen agdarmak, agdaryp ýumşatmak, bejermek. *Salmanyň ep-esli ýerini depip gyrçanda, onuň ýagyrnysyna der çykdy* (R. Gelenow).

**DEPMEKLIK**, *iş ady.* Depmek ýagdaýy.

**DEPO** [depo:], *at.* Demir ýol lokomotiwleriniň, wagonlaryň, tramwaýlaryň durmagy we gündelik bejeriş işleri üçin ýörite abzallaşdyrylan jaý.

**DEPREK** [depirek], *at.* Elek görnüşli gurşawyň, daşyna çig deri çekilip, taýajyk bilen kakylyp, urlup çalynýan saz guraly. *Gopuzlaryn alyp kakdylar läle, Bir topary deprek kakyp oýnady* (Ç. Gurbangylyjow).

**DEPREKÇI** [depirekçi], *at.* Deprek çalýan adam, deprek kakýan sazanda.

**DEPRENIBERMEK** [depirenivermek], *işl.* Deprenip başlamak, deprenip ugramak.

**DEPRENIŞ** [depireniş], *iş ady.* Deprenmek ýagdaýy.

**DEPRENME** [depirenme], *iş ady.* Deprenmek ýagdaýy.

**DEPRENMEK** [depirenmek], *işl.* Gozganmak, gymyldamak, galkmak; erjel hereket etmek, işe çynlakaý girişmek. *Wagtynda deprenseň, bitmejek iş bolmaz.*

**DEPUTAT** [depu:ta:t], *at.* Saýlanan wekil, döwlet edarasynyň saýlanan agzasy.

**DEPUTATLYK** [depu:ta:tlyk], *at.* Deputatyň käri, wezipesi.

**DER**, *at.* Deri asty mäzlerinden çykýan dury suwuklyk, çyglyk. *Adamyň elidir gudratly kerem, Topragyň ganydyr maňlaýnyň derem* (M. Seýidow).

◊ **Der basmak** utanmak, gyssanmak, gorkmak we ş.m. sebäpli gaty derlemek, der gelmek. *Muňa Annagulynyň depe saçy üýşüp, der basyp gitdi* (A. Durdyýew). **Der bermek** zähmetli işiň netijesinde derlemek; näsaglyk zerarly ilki derlemän, soň der gelmek. *Gyzdyryp ýatan çagajyk ikinji gün diýlende der berip, rahat uka gitdi.* **Der dökmek (saçmak)** janyňy aýaman işlemek, zähmet çekmek. *Ýeri çürüzzige, suwy ölçege gelen daýhan köpçüligi ýylboýy depesinden gum sowrup, der dökse-de, dulunda doly çuwala zardy* (B. Kerbabaýew).

**DERAMAT** [dera:mat], *at.* Güýç-kuwwat, ragbat, ysgyn, güýç. *Geplemäge deramaty ýok ýalydy* (B. Seýtäkow).

**DERAZ** [dera:z], *syp.* Uzyn. *Badam gabak jenanyň, boýlary deraz bolar* (Magtymguly). *Bili syk, boýy deraz, sagrysy meýdanly bedew* (Mätäji).

**DERBAN** [derva:n], *at.* Gapy sakçysy, derwezeban.

**DERBENT** [dervent], *at.* **1**. Dag geçelgesi. *Dagyň derbendinde garawul taşlandy* ("Görogly"). **2**. Petik. *Begler, jan şährime düşüpdir talaň, Derbent boldy degre-daşlarym meniň* (Hatam şahyr).

**DERBI-DAGYN** [dervi-da:ğyn], *hal.* Hersi bir ýerde ýerleşen, duw-dagyn, dyr-pytraň, ýykan-ýumran. *Duşmanlary tizlikde derbi-dagyn etmek üçin, garrylary, çagajyklary ölümden halas etmek üçin, seniň-de kömegiň gerek* (B. Pürliýew).

**DERBI-DAGYNLYK** [dervi-da:ğynlyk], *at.* Hersi bir ýerde dargap ýatan halda bolmaklyk, duw-dagynlyk, dyr-pytraklyk.

**DERÇIKMEK**, *işl., ser.* **Derjikmek**. *Gojanyň derçigip duran ýüzüne gözüm düşdi.*

**DERDESER**, *at.* Alada, ünji, gaýgy, hysyrdy. *Ol özüniň öý hojalygynyň derdeseri bilen gümra bolup galypdyr* (N. Saryhanow). *Dostum, söýginiň-de derdeseri bar* (B. Hudaýnazarow).

**DERDESERLI**, *syp.* Aladaly, ünjüli, hysyrdyly.

**DERDESERLIK**, *at.* Aladalylyk, ünjülilik, hysyrdylylyk.

**DERDI-HAL** [derdi-ha:l], *at.* **1**. Kimdir biriniň islegi, bar aladasy, bolasy gelýän zady, edesi gelýän işi. *Onuň derdi-haly çopan bolup, guma gitmekdi.* **2**. Derrew, dessine, derhal. *Ol derdi-hal ody ulaltmak bilen boldy* (N. Pomma). **3**. Hal-ýagdaý. *Derdi-hal aýdyşaly* (G. Daşgynow).

**DERDINEGEN** [derdineğen], *syp., ser.* **Derdinjeň**. *Ol gaty derdinegen adam.*

**DERDINEGENLIK** [derdineğenlik], *at, ser.* **Derdinjeňlik**.

**DERDINIBERMEK** [derdinivermek], *işl.* Derdiňi aýdyp başlamak, derdinip ugramak.

**DERDINIŞMEK**, *işl.*Birnäçe bolup özara derdinmek; biri-biriňe derdiňi aýtmak, içiňi dökmek. *Boş wagtlarynda derdinişmegi, iç döküşmegi halaýardy* (A. Nazarow).

**DERDINJEŇ**, *syp.* Hemişe derdinip ýören, halys köp derdinýän, zeýrenjeň, derdinegen. *Derdinjeň adam.*

**DERDINJEŇLIK**, *at.* Hemişe derdinip ýörmeklik, halys köp derdinmeklik, zeýrenjeňlik, derdinegenlik. *Derdinjeňlikden haýyr gören ýeriň barmy?*

**DERDINME**, *iş ady.* Derdinmek ýagdaýy.

**DERDINMEK**, *işl.* Birine aladaňy, derdiňi aýtmak, içiňi dökmek, zeýrenmek. *Gulam Seýdiniň ýanynda janyndan syzdyryp derdinipdi* (N. Pomma).

**DERDINMEKLIK**, *iş ady.* Derdinmek ýagdaýy.

**DERE**, *at.* Iki ýany beýik baýryň, dagyň arasyndan uzap gidýän pes ýer, oý ýer. *Dag, dereler lerzan urar, Owsun atyp, sil biläni* (Magtymguly).

**DEREJE I**, *at.* **1**. Gyzgynlygyň we ş.m. ölçeg birligi. *6-7 günden soň, Akmyradyň gyzgyny 39-40 derejä mündi* (A. Durdyýew). **2**. Berilýän ylmy, harby we ş.m. at. **3**. Hal, ýagdaý. **4**. Çäk, het. *Wepanyň öňki gaharly görnüşi iň soňky derejä çykdy* (A. Gowşudow). **5**. Wezipe kär, ýolbaşçylyk. *Azajyk dereje ýetse, Käbiri salam alyşmaz* (Ç. Aşyr). **6**. Mertebe, abraý. *Ýaşlykda özüni ile tanadan, Alkyş alyp derejesi zor bolar* (Magtymguly). *Biz muny özümize ägirt uly dereje diýip bilýäris* (B. Seýtäkow). **7**. *dil b.* Hereketiň eýesi bilen habarynyň arasyndaky gatnaşyklary görkezmäge ukyby bolan işlik görnüşleri. *Düýp dereje. Gaýdym dereje*. **8**. *dil b.* Sypatlaryň hil aýratynlygynyň nä haldadygyny bildirýän dereje. *Artyklyk dereje. Kemlik dereje. Söýgülik dereje.*

**DEREJE II**, *at*, *ýerli g.* Penjire, äpişge.

**DEREJELEME**, *iş ady.* Derejelemek ýagdaýy.

**DEREJELEMEK**, *işl.* **1**. Hormatlamak, sylamak, hormat goýmak. *Myhmany derejeläp kabul etmek*. **2**. Ýokary hilli, kaşaň, owadan görnüşli etmek. *Köçeleri baýramçylyga derejeläp taýýarladylar*.

**DEREJELEÝIŞ**, *iş ady.* Derejelemek ýagdaýy.

**DEREJELI**, *syp.* **1**. Derejesi bar bolan. *Derejeli alym*. **2**. Mertebeli, hormatlanýan. *Belki Nurjan bilen Olga-da "Aýgül nebite bulaşyp ýören bölüm başlygy däl-de, şäheriň belent derejeli, bilimli, nysakly gyzlaryndan birine çalym edýär" diýip sözleşendirler* (B. Kerbabaýew).

**DEREJELILIK**, *at.* Derejesi barlyk, derejesiz dällik, derejeli bolmaklyk.

**DEREK I**, *at. ösüml.d.* Söwütler maşgalasyndan bolan dik ösýän, ýyldyrap duran çalymtyk ýaprakly agaç.

◊ **Derek ýaly** uzyn hem syrdam boýly. *Ata Pälwan dagy dört sany derek ýaly ýigitdi* ("Türkmen dili"gaz.).

**DEREK II**, *at.* **1**. Habar, habar-hatyr, hat-habar, nyşan. *Gün ýaşyp barýar, ondan bolsa hiç derek ýok* (B. Kerbabaýew). **2**. Asyl, ýerlik. *Dereginde bir zat bolsa bolýar*. **3**. Ugur, meniklilik, tutanýerlilik. *Seniň özüňde derek ýok, bolmasa beýdip ýörmezdiň.* **4**. "Ýerine, ornuna, öwezine" ýaly manyda ulanylýan kömekçi söz. *Ýygnaga maňa derek sen gitmeli bolarsyň.* **5**. Alaça dokamak üçin ýüplük, keteni dokamak üçin ýüpek-sapak we ş.m. ýerlik.

◊ **Deregi dargamak (dagamak)** aslyndan hiç zat, nam-nyşan galmazlyk. *Bu kitabyň-a deregi dagapdyr*. **Deregine ýetmek** anyklamak, nähili, neneňdigini bilmek, anygyna ýetmek. **Derek tapmazlyk 1)** biri ýa-da bir zat hakda hiç hili habar, ugur bilip bilmezlik. **2)** ýerliginde zat bolmazlyk. **Derek tutdurmak** bir zady ýerlikli peýdalanyp bilmek. *Näme etseň şony et, derek tutdursaň bolýar* (A. Durdyýew). **Ene dereginden zat galmazlyk** bir zadyň asylky durky, asylky keşbi, asylky bolşy ýitmek. *Köwşüň ene dereginden hiç zat galmandyr*.

**DEREKLI**, *hal, syp.* **1**. Tutanýerli, menikli, gujurly. *Özi derekli bolsa, okuwyny alyp çykmaly ahyry*. **2**. Ähmiýetli, gerekli, manyly, oňly. *Ata obanyň ýagdaýyndan derekli zat aýtmady.*

**DEREKLIK I**, *at.* Deregiň köp gögerip oturan ýeri. *Bu ýakalarda dereklige kän duş gelmersiň.*

**DEREKLIK II**, *syp.* Tara, haly we ş.m. dokamak üçin derek bolar ýaly, derek eder ýaly (ýüp,ýüplük).

**DEREKSIZ**, *syp.* **1**. Habar-hatyrsyz, atsyz-sorsuz, nam-nyşansyz. *Ýaş başyna ol aýalyň adamsy geçen uruşda dereksiz ýitipdi.* **2**. Esassyz, netijesiz, boş, ugursyz, biderek. *Birnäçe burawlaryň şowsuz geçmegi, aýylganç heläkçilige duşmagy, her teňňesi derden emele gelýän döwlet maýasynyň ilkibada dereksiz sarp bolmagy-da mümkin* (B. Kerbabaýew). **3**. Terbiýesiz, tertipsiz, ugursyz, oňly bolmadyk, biderek. *Onuň gaçgyny dereksiz adamdy.*

**DEREKSIZLIK**, *at.* Deregi ýokluk, derekli dällik, ugursyzlyk, oňly dällik, bidereklik. *Sen dereksizligiňe düşünýän bolsaň, eýýäm adam bolaýmajakmy näme?!*

**DERELIK**, *at.* Deresi köp bolan daglyk ýer.

**DEREM**, *at, taryh.* Agramy 3,12 *g* deň bolan kümüş pul, teňňe. *Bir garyba ýagşy sözüň aýtsaň, Kisä derem girmez, köňli hoş bolar* (Talyby). *Müň tümenlik hatyramny bir deremge satmagyl* (Halk aýdymyndan) (*ser.* **Dirhem**).

**DERESOGAN** [deresoğon], *at.* Dag-derelerde bitýän ýabany sogan.

**DERESYGYR** [deresyğyr], *at, gepl.d.* Süýt emdirijiler maşgalasyndan bolan sygra meňzeş, şahly melemtil haýwan; sugun.

**DERGAZAP** [derğazap]**: dergazap bolmak** gazaply, örän gaharly ýagdaýda bolmak. *Gyzynyň Ärhasan bilen gidenini eşidip, Hasan şa dergazap boldy* ("Görogly").

**DERGAZAPLYK** [derğazaplyk], *at.* Gazaplylyk, örän gaharlylyk.

**DERGÄH** [derğä:h], *at.* Bosaga, işik, gapy; hudaýyň ýany, patyşanyň ýany, biriniň gaşy, öňi. *Dergähiňden kowma, kim gul men dogaçy bir geda, Haýry bolmas bir dogaçy kaýda saýyl bolmasa* (Gaýyby). *Halkyň dergähiniň söwer gullary, Gözi ýaşly gadyrdanlar, hoş galyň* ("Kasym oglan").

**DERHAL** [derha:l], *hal.* Derrew, dessine; badabat, şol demde, şol mahal. *Senuber derhal baz adam suratyga geldi* ("Gül-Senuber").

◊ **Derhal otly** çalt gidýän otly; ýyndam otly.

**DERI**, *at.* **1**. Adam we haýwan bedeniniň daşky örtügi, hamy. *Deri keselleri.* **2**. Haýwanlaryň soýlup alnan hamy. *Deri eýlemek.*

◊ **Derisi giňemek** göwrümi giňemek, rahatlanmak, ynjalmak. **Derisine duz bermek** berk jeza bermek. **Derisine saman dykmak** öldürmek. *Ol taýda seniň deriňe saman dykarlar* (G. Kulyýew). **Derisine sygmazlyk** hondanbärsi bolan bolup gomparmak, çişmek. *Ol hondanbärsi bolup, derisine sygmady* (B. Seýtäkow). **Deri ýaglamak** deri eýlenende täze öldürilen goýnuň derisiniň ýagyny pyçak bilen gyryp, gazap aýyrmak, ýagyny syryp aýyrmak.

**DERIÇI**, *at.* Deri önümçiliginiň işgäri, deri alýan işgär, gönçi.

**DERIDAŞ** [derida:ş], *at.* Deri arassalamak işinde ulanylýan daş.

**DERJIGIBERMEK** [derjiğivermek], *işl.* Derjigip başlamak, derjigip ugramak.

**DERJIKDIRMEK**, *işl.* Derjiger ýaly etmek, derjikmek derejesine ýetirmek. *Gyzgyn çaý meni derjikdirdi.*

**DERJIKME**, *iş ady.* Derjikmek ýagdaýy.

**DERJIKMEK**, *işl.* Az-kem derlemek, çygjarmak, derçikmek.

**DERJIKMEKLIK**, *iş ady.* Derjikmek ýagdaýy.

**DERJIREMEK**, *işl., ser.* **Derjikmek**. *Ýaş zergäriň maňlaýy derjiredi*.

**DERJIREŞMEK**, *işl.* Birnäçe bolup derjiremek. *Howanyň gyzgynlygyna bakman, sütük guşak guşanan adamlar derjireşip otyrdylar* (B. Kerbabaýew).

**DERJIRETMEK**, *işl.* Derjiremäge mümkinçilik bermek, derjiremäge mejbur etmek; birneme derletmek, çygjartmak. *Gyzgyn gün daş-töweregi gyzdyryp başlady, güýzüň soňky aýy bolmagyna garaman, maňlaýlary derjiredipdi* (G. Kulyýew).

**DERJIREÝIŞ**, *iş ady.* Derjiremek ýagdaýy.

**DERJIRÄBERMEK** [derjirä:vermek], *işl.* Derjiräp ugramak, derjiräp başlamak. *Demini alan gök çaý içseň derjiräberersiň.*

**DERKAR** [derka:r], *syp.* Gerek, zerur. *Ömrüm, eý, gara gözüm, Kimge derkardyr sözüm* (Magtymguly).

**DERKARLYK** [derka:rlyk], *at.* Gereklik, zerurlyk. *Dogry, biziň zamandaşlarymyza at ýüki altyn şaý-sepiň derkarlygy ýok* ("Edebiýat we sungat").

**DERLEDIJI**, *syp.* Der getiriji, derlemäge kömek ediji. *Lukman kesellä derlediji dermanlary içmegi maslahat berdi.*

**DERLEGIÇ** [derleğiç], *syp., ser.* **Derlek**.

**DERLEK**, *syp.* Hemişe derläp ýören, tiz derleýän. *Derlek adam.*

**DERLEME**, *iş ady.* Derlemek ýagdaýy.

**DERLEMEK**, *işl.* **1**. Endamyňa der gelmek, çyg çykmak. *Uzak ýoly ýörän adamlar burçak-burçak derleýärdiler* (A.Gowşudow). **2**. *göç.m.* Bir zadyň üsti, ýüzi çyg, nem bilen örtülmek. *Derläp duran aýnanyň öňüne baryp, daşaryk seredýärin*. **3**. *göç.m.* Bir zadyň üstünde köp zähmet çekmek, der dökmek. *Mazalyja derlemeseň iş bitmez.*

**DERLEMEKLIK**, *iş ady.* Derlemek ýagdaýy.

**DERLEMEZLIK**, *iş ady.* Endamyňa der çykmazlyk, der gelmezlik.

**DERLEŞMEK**, *işl.* Birnäçe bolup derläp oturmak, derläp durmak. *Otyrdylar gök çaý içip derleşip* (A. Gylyjow).

**DERLETMEK**, *işl.* **1**. Birini derlemäge mejbur etmek, der gelmegi üçin şert döretmek; der, çyg çykartmak. *Hakykatdan-da Akmaýanyň eden burçly unaşy Amany kemsiz derledipdi* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Juda ýadatmak, birini örän köp işletmek. **3**. *göç.m.* Birini gyssamak, utandyrmak.

**DERLEÝIŞ**, *iş ady.* Derlemek ýagdaýy.

**DERLÄBERMEK** [derlä:vermek], *işl.* Derläp başlamak, derläp ugramak.

**DERLIK**, *at.* **1**. Içirgi. **2**. Telpegiň iç ýüzüne iki gat matadan tikilen içlik. *Telpege derlik tikmek*.

**DERMAN** [derma:n], *at.* 1. Kesel bejermek üçin niýetlenen serişde; saglyk üçin peýdaly zat. 2. göç.m. Lezzet. *Ýüregimde galar boldy armanym, Isa, Mäti, Lukman aňmaz dermanym* (Magtymguly). 3. Adam ady.

◊ **Derman ýaly** azajyk, ujypsyzja, sähelçe.

**DERMANHANA** [derma:nha:na], *at.* Lukmanlaryň teklipleri bilen derman taýynlanýan, şonuň ýaly-da derman we beýleki lukmançylyk enjamlary satylýan edara.

**DERMANHANAÇY** [derma:nha:naçy], *at.* Derman taýynlaýan dermanhana işgäri.

**DERMANLABERMEK** [derma:nla:vermek], *işl.* Dermanlap başlamak, dermanlap ugramak.

**DERMANLAMA** [derma:nlama], *iş ady.* Dermanlamak ýagdaýy.

**DERMANLAMAK** [derma:nlamak], *işl.* Derman bermek, derman sepmek, derman pürkmek. *Baglary dermanlamak hakynda edilen maslahat näme üçin ertir üýtgemeli?* (A. Gowşudow).

**DERMANLANMAK** [derma:nlanmak], *işl.* Derman çalynmak, derman sepilmek, derman dökülmek. *Dermanlanan şetdaly, erik, ülje agaçlarynyň ýapraklaryndan şiresi aýrylypdyr.*

**DERMANLAŞMAK** [derma:nlaşmak], *işl.* **1**. Derman sepmäge kömekleşmek. *Men oňa üzümleri dermanlaşdym.* **2**. Bilelikde dermanlamak. *Ata bilen Berdi ikisi garpyz pazyllaryny dermanlaşyp ýördüler*.

**DERMANLATMAK** [derma:nlatmak], *işl.* Dermanlamak işini başga birine etdirmek. *Gowaçaly meýdanlary dermanlatmak.*

**DERMANLAÝJY** [derma:nlaýjy], *syp.* Derman sepiji, derman pürküji. *Dermanlaýjy maşyn.*

**DERMANLAÝYŞ** [derma:nlaýyş], *iş ady.* Dermanlamak ýagdaýy.

**DERMANLY** [derma:nly], *syp.* Derman berlen, derman sepilen, derman goşulan. *Dermanly suw.*

**DERMANLYK** [derma:nlyk], *syp.* Derman üçin gerekli bolan, derman üçin niýetlenen. *Dermanlyk diýip çabalanyp ýatsaň-da, onuň ýekeje igde mugt berjek gümany ýok* (N. Pomma).

**DERMANNAMA** [derma:nna:ma], *at.* Lukmanyň syrkawa dermanhanadan derman almak üçin ýazyp berýän resmi haty.

**DERŇELMEK**, *işl.* **1**. Bir işiň dogrudygy, kanunalaýykdygy barlanyp görülmek, barlanmak. **2**. Ylmy taýdan barlag, derňew geçirilmek.

**DERŇEME**, *iş ady.* Derňemek ýagdaýy.

**DERŇEMEK**, *işl.* **1**. Bir işiň dogrudygyny, kanunydygyny barlag arkaly anyklamak. *Hatda görkezilen maglumatlaryny ýerinde derňemek.* **2**. Ylmy taýdan derňew geçirmek. *Ol Magtymgulynyň golýazmalaryny ýene-de bir gezek derňedi.* **3**. Grammatik derňew geçirmek. *Sözlemi derňemek. Sesleri derňemek.*

**DERŇEMEKLIK**, *iş ady.* Derňemek ýagdaýy.

**DERŇEŞDIRMEK**, *işl.* Barlaşdyryp görmek, derňäp çykmak.

**DERŇEŞMEK**, *işl.* **1**. Bir işiň dogrudygyny, kanunalaýykdygyny barlaşmak, barlag edişmek. **2**. Ylmy taýdan barlamaga kömekleşmek.

**DERŇETDIRMEK**, *işl.*, *ser.* **Derňetmek**. *Men çomujy laboratoriýalarda derňetdirip, nähili güýjüniň, ukybynyň baryny bilmek isleýän* (B. Kerbabaýew).

**DERŇETMEK**, *işl.* **1**. Derňemek işini başga birine etdirmek, derňemäge mümkinçilik bermek; derňemäge mejbur etmek, derňew geçirtmek. *Daýhan birleşikleriniň maliýe işlerini derňetmek.*

**DERŇEW** [derňöw], *at.* **1**. Bir işiň dogrudygyny, kanunydygyny anyklamak üçin geçirilýän barlag. **2**. Ylmy barlag. *Suw barada ylmy, takyk derňewleriň geçirilendigi hemmelere belli* (B. Kerbabaýew). **3**. *dil b.* Ylmy taýdan seljerip baha bermeklik. *Fonetik derňew. Morfologik derňew. Sintaktik derňew.*

**DERŇEWÇI** [derňöwçü], *at.* Bir işiň dogrudygyny we kanunalaýykdygyny barlaýan wezipeli adam.

**DERŇEWÇILIK** [derňöwçülük], *at.* Derňewçiniň käri, ýagdaýy.

**DERŇEÝIŞ**, *iş ady.* Derňemek ýagdaýy.

**DERŇÄBERMEK** [derňä:vermek], *işl.* Derňäp başlamak, derňäp ugramak.

**DERREW** [derröw], *hal.* Haýal etmän, dessine, basym, çalt, tiz.*Ol derrew yzyna öwrülip, golaýyndan gelýänleriň adyny-da tutman: – Sen, sen, ikiňizem ýörüň! – diýip, iki atla ýşarat etdi* (R. Gelenow).

**DERS** [deris] **I**, *at.* Belli bir ugur boýunça mekdeplerde okadylýan sapak. *Lukmançylygyňam, matematikanyňam, fizikanyňam, beýleki dersleriň hem ähli okuw kitaplary türkmen diline terjime edilip,*

*talyplara we okuwçylara ene dilimizde öwredilmelidir* ("Türkmenistan").

**DERS** [deris] **II**, *at.* Mal tezekleriniň, çörleriniň çüýrüntgilerinden emele gelen dökün. *Şol sary ýapraklaryň arasyna gaçan negada bir pagta süýümi, ders arasyna düşen dür dänesi ýaly, gözgyny bulduraýardy* (B. Kerbabaýew).

**DERSLEME** [derisleme], *iş ady.* Derslemek ýagdaýy. *Erik agajynyň düýbüni derslemek bolmaýar.*

**DERSLEMEK** [derislemek] , *işl.* Ekine, atyza ders dökmek, ders bilen dökünlemek. *Daýhanlar gök ekin ekiljek şüdügär meýdanlary derslediler.*

**DERSLENMEK** [derislenmek], *işl.* Ýeriň mesligini ýokarlandyrmak üçin ders dökülmek, ders bilen dökünlemek. *Ýerler derslendi.*

**DERSLETDIRMEK** [derisletdirmek], *işl.*, *ser.* **Dersletmek**. *Ekin ekiljek ýerleri dersletdirmek.*

**DERSLETMEK** [derisletmek], *işl.* Ders dökdürmek, dökünletmek. *Ekin ýerlerini dersletmek.*

**DERSLEÝIŞ** [derisleýiş], *iş ady.* Derslemek ýagdaýy.

**DERSLÄBERMEK** [derislä:vermek], *işl.* Dersläp başlamak, dersläp ugramak.

**DERSLI** [derisli], *syp.* Dersi bolan, ders dökülen. *Dersli ýer. Dersli ýatak.*

**DERSLILIK** [derislilik], *at.* Düzüminde, içinde ders barlyk. *Ekiniň bitmegi üçin ýeriň dersliliginiň ähmiýeti uludyr.*

**DERT**, *at.* **1**. Bedeniň asuda ýaşaýyş ukybynyň bozulmagy, kesel. *Tapsam, bolsun başym gurban mertlere, Lukman çäre tapsyn gelen dertlere* (Magtymguly). *Derdiňe tenekar dag çeşmesiniň mylaýym kükürt ysly suwundan adamlaryň ählisi müňde bir razydy* (T. Gurbanow). **2**. *göç.m.* Alada, ünji, iş, derdeser. *Men ýüregimde goş basyp ýatan ähli derdimi şu gün dökdüm* (G. Ezizow). **3**. *göç.m.* Hasrat, gussa. *Olar, göýä diýersiň, uzak ýyllar aýralyk derdini çeken ýaly, birek-biregiň didaryna muşdak bolup durdular* (G. Kulyýew).

◊ **Derde ýaramazlyk** derege ýaramazlyk, hiç zada ýaramazlyk; peýdalanyp bolmazlyk, ähmiýeti ýokluk. *Seniň munyň derde ýaranok*. **Derdi başyndan agdyk** işi, aladasy çendenaşa köp bolan. *Gardaş, häzir sen maňa kömekleş diýmeseň gowy boljak, sebäbi ozalam derdim başymdan agdyk.* **Derdini gozgamak** geçmişi, könäni ýatlap gaýgylandyrmak, gussa çekdirmek. *Meret aga aýalynyň derdini gozganyna puşman etdi.* **Derdini paýlaşmak** çekýän hasratyny, aladasyny sorap göwünlik bermek, duýgudaşlyk bildirmek. *Hemrahym ýok, baryp syrym açarga, Derdim paýlaşarga, odum öçirge* (Magtymguly). **Derdi özüne ýetik** iş-aladasy köp. *Annagylyjyň öz derdi özüne ýetikdi* (Ş. Borjakow). **Dert bolmak** kynçylyk baryny döretmek. *Özüňi oňarman, halys maňa dert bolaýdyň.*

**DERTDEŞ** [deritdeş], *at, syp.* Birmeňzeş aladaly, hasratly, ünjüli. *Olar iki dertdeş, köne dost adamlar bolmaga çemeli* (A. Gowşudow).

**DERTDEŞLIK** [deritdeşlik], *at.* Birmeňzeş aladalylyk, ünjülilik, hasratlylyk.

**DERTI**, *at.* Mesge eredilip, saryýag edilende, durlamak üçin onuň içine atylan bugdaý ýarmasynyň ýa-da tüwiniň gazanyň düýbünde galýan galyndysy.

**DERTLEME** [deritleme], *iş ady.* Dertlemek ýagdaýy.

**DERTLEMEK** [deritlemek], *işl.* Düýpli derde ýolukmak, kesele uçramak, kesellemek. *Adam dertlän güni ondan ýüz öwräýmeli bolarmy?* ("Edebiýat we sungat").

**DERTLEMEKLIK** [deritlemeklik], *iş ady.* Dertlemek ýagdaýy.

**DERTLEŞMEK** [deritleşmek], *işl.*, *ýerli g.*, *ser.* **Derdinişmek**.

**DERTLETMEK** [deritletmek], *işl.* Dertlär ýaly etmek; dertli etmek, derde uçratmak, keselletmek.

**DERTLEÝIŞ** [deritleýiş], *iş ady*. Dertlemek ýagdaýy.

**DERTLI** [deritli], *syp*. **1**. Dert tapynan, dert ýolugan, keselli. *Tebibiň diýenini etmek dertliniň borjudyr!* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Aladaly, ünjüli, derdeserli. *Bu habar Aýnanyň dertli ýüregini gozgalaňa saldy* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç.m.* Hasratly, gussaly. *Ýüzüň gamgyn, ýüregiň dertli görünýär.*

**DERTLILIK** [deritlilik], *at*. **1**. Kesellilik. **2**. *göç.m.* Aladalylyk, ünjülilik, hasratlylyk, gussalylyk.

**DERTSIZ** [derissiz], *syp*. **1**. Derdi bolmadyk, keselsiz. *Hany ol dertsize dert berýän tebip!?* (A. Kekilow). **2**. *göç.m.* Aladasyz, ünjüsiz. **3**. Hasratsyz, gussasyz.

**DERTSIZLIK** [derissizlik], *at*. **1**. Derdi, keseli ýokluk. **2**. *göç.m.* Aladasyzlyk, ünjüsizlik, hasraty, gussasy ýokluk.

**DERWAÝYS** [derwa:ýys], *syp.* Gaýra goýulmasyz, wajyp, möhüm; zerur, hökman.

**DERWAÝYSLYK** [derwa:ýyslyk], *at.* Gaýra goýulmasyzlyk, wajyplyk; zerurlyk, hökmanlyk.

**DERWEZE** [derwözö], *at.* **1**. Iki tarapa açylýan giň gapy (howla, gala goýulýar). *Atly, eşekli, arabaly, pyýada bazarçylar dört tarapdaky derwezelerden yzy üzülmän çykýardylar* (B. Seýtäkow). **2**. Käbir şäherlere, obalara girilýän ýerde ýoluň üstünde gurulýan arka şekilli gapysyz desga. **3**. *Sport.* Futbol, gandbol ş.m. oýunlarda top salmak, geçirmek üçin dikilen we tor

berkidilen üsti germewli iki agaç ýa demir sütüniň aralygy. *Ýarym goraýjynyň uran topy derwezeden geçdi.* **3**. Garagumda ilatly ýeriň ady.

**DERWEZEBAN** [derwözöva:n], *at.* **1**. Derweze sakçysy, derwezäni saklaýan adam. *Derwezeban ýatmaz tur sesin aňsa* (Zelili). *Derwezeban elindäki açaryny jyňňyrdadyp, howlusyna bakan ökje göteripdir* (B. Kerbabaýew). **2**. *ser.* **Derwezeçi**.

**DERWEZEBANLYK** [derwözöva:nlyk], *at.* Derwezebanyň ýagdaýy, käri, wezipesi. *Siz derwezebanlyk hakyňyz üçin näçe alarsyňyz?* ("Görogly").

**DERWEZEÇI** [derwözöçü], *at.* Käbir sport oýunlarynda (futbol, hokkeý we ş.m.) derweze goraýan oýunçy. *Ol ady belli derwezeçi hökmünde özüni dünýä tanatdy.*

**DERWÜŞ**, *at.* Terkidünýälik, diwanalyk edip ýören, sopuçylyk akymyna eýeriji. *Säher wagty derwüş nalyşa gelse, Bilinden ýüp alyp, boýnuna salsa; Taňry söýen bende bet doga kylsa, Pelegi titreder, arşy ýandyrar* (Magtymguly). *Eýesin islän derwüşler, Säher gözýaşda bellidir* (Zelili).

**DERWÜŞÇILIK** [derwüşşülük], *at, ser.* **Derwüşlik**.

**DERWÜŞLIK** [derwüşlük], *at.* Derwüş bolup gezmeklik, galandarlyk, terkidünýälik, derwüşiň ýagdaýy.

**DERÝA** [derýa:], *at.* **1**. Başlanýan ýerinden guýýan ýerine çenli öz ugry bilen dyngysyz akyp duran köp mukdardaky tebigy suw akymy. *Garagum derýasy. Türkmen derýasy.* **2**. Oglana dakylýan at.

**DERÝALYK** [derýa:lyk], *at.* **1**. Derýasy köp bolan. *Derýalyk, çalpawlyk ülkelerden teşne Garaguma gelen ýaşlaryň ürgün çägeligiň depeleriniň arasynda gezim edýänleri-de bardy* (K. Berdiýew). **2**. Amyderýanyň akan gadymy hanasy.

**DERZAÝY** [derza:ýy], *at.* **1**. Tikin, tikin ýeri; sep. **2**. *göç.m.* Göwre, beden. *Toba kyldym derzaýyňy biçene, Nusga bolup ile gelen perizat* (Aşyky).

**DES-DEŇ** [des-seň], *syp.* Bir meňzeş, deň, barabar. *Çagalaryň boýy edil biçilen ýaly des-deňdi.*

**DESANT** [desa:nt], *at.* Söweş hereketlerini alyp barmak üçin duşmanyň bolýan ýerine düşürilýän ýörite taýýarlykly goşunlar. *Howa desanty*. *Deňiz desanty*.

**DESANTÇY** [desa:ntçy], *at*. Desant goşunynyň esgeri.

**DESGA** [desğa:], *at.* **1**. Dürli görnüşli we dürli maksat üçin niýetlenen gurluşyk. *Bu desga geljek nesillerimiz üçin suw bolçulygyny döredip, ene topragymyzyň bereketini has-da artdyrar* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr"). **2**. Dabara, toý üçin görülýän taýynlyk, tutum. *Desgasyny üpjün edip, onuň yzyndan ugratdylar* ("Görogly"). *Özüňe göwnüň ýetýän bolaýbilse ýagşydyr, myhman, hanyň tutan desgasy gaty uludyr* (N. Saryhanow).

**DESGALANDYRMA** [desğa:lannyrma], *iş ady.* Desgalandyrmak ýagdaýy.

**DESGALANDYRMAK** [desğa:lannyrmak], *işl.* Gurmak, salmak, bina etmek.

**DESGALANDYRYLMAK** [desğa:lannyrylmak], *işl.* Gurulmak, salynmak, bina edilmek.

**DESGALANDYRYŞ** [desğa:lannyryş], *iş ady.* Desgalandyrmak ýagdaýy.

**DESLAP** [desla:p], *hal.* Ilki, ilki bilen, öňi bilen, öňünden, ozal, ozaly bilen. *It urşuny deslap öwrenip goýupdym* ("Görogly").

**DESLAPKY** [desla:pky], *syp.* Iň ilkinji, iň owalky, iň ozalky. *Deslapky çaklamalar. Deslapky şert. Deslapky maglumatlar.*

**DESMAL** [desma:l], *at.* **1**. Elýaglyk. *Her sözünde bir oýun, Her elde bir desmaly* (K. Gurbannepesow). **2**. Başa atylýan ýaglyk. *Başynda ýüpek desmaly* (Mollanepes).

**DESMALÇY** [desma:lçy], *at, gepl.d.* Ýaranjaňlyk, ýapjalyk edip gün görýän adam.

**DESMAÝA** [desma:ýa], *at.* Bar bolan mal-mülk, baýlyk, döwlet; toplanan maýa, emläk. *Akyl ýigide desmaýa, akylsyzyň ömri zaýa* (Nakyl). *Seni diýip geldim Çandybilinden, Desmaýasy halal gassap gözlärin* ("Görogly").

**DESSALYM**, *hal.* Derrew, tiz, dessine.

**DESSAN** [dessa:n], *at.* Halk döredijiliginde we klassyky edebiýatda şygyr bilen kyssa garyşykly söýgi, gahrymançylyk temasyna bagyşlanyp ýazylan eser. *Mollanepesiň "Zöhre – Tahyr" dessany*.

◊ **Dessan etmek (eýlemek)** çeper söz bilen wasp etmek. *Ençe dessan eýlerem ýaryň çeşmi mestine* (Kemine).

**DESSANÇY** [dessa:nçy], *at.* Dessanyň kyssasyny gürrüň edip, şygyr-goşgularyny aýdym edip aýdýan bagşy-sazanda. *Nazar Baga, Magtymguly Garly, Palta bagşy ady belli dessançy bagşy bolupdyr.*

**DESSE**, *at.* **1**. Daşyndan boglan, daňlan bogy (ot, bugdaý, sogan we ş.m. hakda). *Ol atynyň syrtyna bir desse ýorunja bökderdi* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Bir bogy gül. *Depä çykasym gelýär, Desse bogasym gelýär* (Läle). **3**. Bir daňy, bir top; bir topar, köp. *Ol goltugyndan bir desse elýazmany çykardy* ("Edebiýat we sungat"). **4**. Tutar, sap, tutawaç. *Egni gara ýapynjaly, aňyrsynda äpet daşyň, Eli hanjar dessesinde, seredip dur çytyp gaşyn* (M. Seýidow). **5**. Gämini belli bir tarapa ugrukdyrmak üçin onuň guýruk tarapyndaky süýbendiň içinden geçýän sap, el tutary, gäminiň ruly.

*Dessäni aýlap duran daýaw çal saçly kapitanyň ýygyrt atan ýüzünde ýara yzy görünýär* ("Edebiýat we sungat"). *Şeýle diýýär maňa durmuş kyssasy: Ömür gämiň öz eliňde dessesi* (M. Seýidow). **6.** Gyza dakylýan at.

**DESSELEME**, *iş ady.* Desselemek ýagdaýy.

**DESSELEMEK**, *işl.* Desse edip bogmak, daňmak. *Dessele-de sen ysga, täze durmuş gülüň bar* (N. Pomma).

**DESSELEMEKLIK**, *iş ady.* Desselemek ýagdaýy.

**DESSELEMEZLIK**, *iş ady* Desse edip bogmazlyk, daňmazlyk.

**DESSELENMEK**, *işl.* Desse-desse edilip goýulmak, desse bogulmak, desse-desse edilmek. *Bedelik ýatyrylan otlar desselenipdir.*

**DESSELEŞMEK**, *işl.* **1**. Desselemäge kömekleşmek. *Garry atamyň oran bugdaýyny desseleşdim*. **2**. Bile desse bogmak. *Ata dagy Berdileriň oran bugdaýyny desseleşip ýördi.*

**DESSELETMEK**, *işl.* Desselemek işini başga birine etdirmek, desselär ýaly etdirmek; desse-desse etdirip goýdurmak, desse bogdurmak, desse-desse etdirmek. *Ol oran ýorunjasyny ýoldaşyna desseletdi.*

**DESSELEÝIŞ**, *iş ady.* Desselemek ýagdaýy.

**DESSELÄBERMEK** [desselä:vermek], *işl.* Desseläp başlamak, desseläp ugramak.

**DESSEMMAÝA** [dessemma:ýa], *at.* Ýakymlyja ysly, kiçijik, menek-menek, top ýaly togalajyk gawunyň bir görnüşi, mazy.

**DESSIK**, *at.* Içine tara daragy salnyp, argaç kakmak üçin ulanylýan gural.

**DESSINE**, *hal.* **1**. *ser.* **Derrew**. *Kyrklar dessine atlaryny eýerlemäge başladylar* ("Görogly"). **2**. Bir gymyldy-hereketden soň uzaklaşdyrman, bada-bat, ara wagt salman. *Duşuşyk tamamlanan dessine iki döwletiň baştutanlarynyň metbugat konferensiýasy boldy* ("Türkmenistan").

**DESSUR** [dessu:r], *at.* Nesilden-nesle geçýän düzgün-tertip, däp. *Aşyk-magşuklyk ozaldan gelýän dessurdyr* ("Görogly"). *Dessur bolar ýol öwrenmek ussatdan, Är myrady jedel bile gaýratdan* (Magtymguly).

**DEST**, *at.* El, gol. *Alydyr diýdiler tutdy destimden* (Magtymguly).

**DESTERHAN** [desserha:n], *at.* Saçak, supra. *Mert ogludyr, ile ýazar desterhan, Dogry söz üstünde berer şirin jan* (Magtymguly).

**DEŞDIRMEK**, *işl.* Deşik etdirmek, deşik açdyrmak; deşik emele gelmegine sebäp bolmak. *Demir bölegini deşdirmek. Tagtanyň posly çüýüne aýagyňy deşdirmek.*

**DEŞELIK**, *at.* Burnuny deşip, işde peýdalanmak üçin niýetlenen ikiýaşar erkek (düýe hakynda).

**DEŞGIÇ** [deşğiç], *at.* Demir deşmek üçin ulanylýan gural, sümmen.

**DEŞIK**, *at, syp.* Bir zadyň deşilen, ýyrtylan ýeri.

**DEŞIK-DEŞIK**, *syp.*, *hal.* Birnäçe ýeri deşik, eleme-deşik.

**DEŞILMEK**, *işl.* Deşik edilmek, deşik geçirilmek, deşik emele gelmek, deşik açylmak.

**DEŞIM-DEŞIM**, *syp.*, *hal, ser.* **Deşik-deşik**. *Ýürek daşdan däl-de, etden bolany üçin, zulum naýzasy onuň ýüregini irigöz elek ýaly deşim-deşim edýärdi* (B. Kerbabaýew).

**DEŞIŞDIRMEK**, *işl.* Yzly-yzyna deşmek, deşip çykmak, birnäçe ýerinden deşmek, deşik-deşik etmek.

**DEŞIŞMEK**, *işl.* Deşik edişmek, deşik açyşmak. *Diwaryň äpişge oturdyljak ýerini deşişmek.*

**DEŞLEK**, *syp., ser.* **Deşli**. *Biziň maşynymyza bir deşlek ýaşuly mündi* ("Edebiýat we sungat").

**DEŞLI**, *syp.* Göwresi uly, daýaw (adam hakynda).

**DEŞLIRÄK** [deşlirä:k], *syp.* Göwresi ulurak, daýawrak. *Onuň kiçi ogly aýdyşyňdan-a deşliräkmikä diýýän.*

**DEŞLILIK**, *at.* Uly göwrelilik, daýawlyk.

**DEŞMEK**, *işl.* Deşik etmek, deşik açmak.

**DEŞT**, *at.* **1**. Çöl, sähra. *Deşt içre arap ili, Adyl permana düşmez* (Magtymguly). **2**. Oba ady.

**DEÝ**, *ser.* **Dek II**, **1**. *Meniň deý yşkyňda çohlar seň ýaryň, Gündiz giriftaryň, gijeler zaryň* (Magtymguly*). Sen deý ýara baş goşup, rakyplardan bizar men* (Kemine).

**DEÝIN**, *ser.* **Dek II**, **1**.

**DEÝÝUS** [deýýu:s], *syp.* Gylyk-häsiýeti juda pis, erbet, ýaramaz, nejis.

**DEÝÝUSLYK** [deýýu:sluk], *at.* Deýýus häsiýetlilik, pislik, erbetlik, ýaramazlyk, nejislik.

**DÄBŞENEKLEME** [dä:vşenekleme], *iş ady.* Däbşeneklemek ýagdaýy.

**DÄBŞENEKLEMEK** [dä:vşeneklemek], *işl.* Arkan düşüp ýatan ýeriňde aýaklaryňy uzadyp, aşak-ýokaryk hereket etdirmek. *Çagajyk däbşenekläp ýatyr.*

**DÄDE** [dä:de], *at, ýerli g.* **1**. Kaka. **2**. Özünden uly agasynyň ýa-da ýakyn agalarynyň adynyň yzyndan getirilip aýdylýan garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz. *Aman däde. Nepes däde*.

**DÄHEDEM-DESSEM: dähedem-dessem etmek**. **1**) bir aýagyň burnuny ikinji aýagyň ökjesine degrip ýöremek ýa-da dabanlap ölçemek; **2**) haýaljak ýöremek. *Ol göwünli-göwünsiz dähedem-dessem edip barýardy.*

**DÄHEDEM-DESSEMLEMEK**, *işl., ser.* **Dähedem-dessem**.

**DÄHEDEMLEMEK**, *işl., ser.* **Dähedem-dessem**. *Işige bakan dähedemläp başlady*.

**DÄL** [dä:l] Sözleriň yzyndan gelip, olaryň aňladýan manysyny inkär edýän söz; ýoklugy aňladýan söz. *Ol, elbetde, çaga däl, yzyny tapar.*

◊ **Bir däl, iki däl…** san taýdan köp. *Toýa baranlar bir däl, iki däl, olaryň haýsy birini tanaýyn.* **Dagy däl** öňünden gelýän at sözüniň aňladýan zadynyň gowudygyny görkezýär. *Ol adam dagy däl. Şu sagat sagat dagy däl eken.*

**DÄLI** [dä:li], *syp.* **1**. Ruhy, aň taýdan keselli. *Taýak bir dälini ýola getirmiş* (Magtymguly). *Däliniň ýüz gepi telek, bir gepi gerek* (Nakyl). **2**. *gepl.d.* Akylyny aldyran, tentek, samsyk. *Däli men, diwana men, ýar isteýir köňlüm şony* (Balgyzyl). *Gaýtargysyn ýazmasam, däli bolup gezmeli* (A. Alamyşow). **3**. *gepl.d.* Gaharjaň, gyzma. *Sen neneňsi däli, gyz, Aý parçasy ýaly gyz* (Aýdymdan).

**DÄLI-DIWANA** [däli-di:wa:na], *syp., ser.* **Däli 1**, **2** we **Diwana**.

**DÄLIGÖJELE** [dä:liğöjölö], *at. ösüml.d.* Ýaşy we düýbi çigildemiňkä meňzeş, ajy kökli, gülli ot.

**DÄLIHANA** [dä:liha:na], *at.* Däliler, ruhy (psihiki) keselliler bejerilýän hassahana. *Aýal geýimine girip, tasdan dälihana düşüpdim* (N. Pomma).

**DÄLIJEMÄŞ** [dä:ljemä:ş], *at. ösüml.d.* Bede edilýän, mal iýýän birýyllyk däneli ot. *Olar göýül, kelepçe, dälijemäş, sersepil ýaly meýdan otlaryny-da şu güne çenli bilmeýär ekenler* (N. Esenmyradow).

**DÄLILIK** [dä:lilik], *at.* **1**. Ruhy, aň taýdan näsaglyk. *Onuň gözleriniň alakjaşyndan birhili dälilik ýaly bir zat hem syzylýardy* (B. Kerbabaýew). **2**. *gepl.d.* Tenteklik, samsyklyk. **3**. *gepl.d.* Gaharjaňlyk, gyzmalyk. *Onuň jogap ýerine ýüzüni aşak salmagy beýlekini dälilik hetdine ýetirdi* (G. Kulyýew).

**DÄLI-PORHAN** [dä:li-porha:n]**: däli-porhan bolmak** adaty ýagdaýdan üýtgemek, telbe ýaly bolmak, bolmajyňy bolmak, bir zat üçin mejnun bolmak. *Oglanlaryň ikinjisi aýdym aýdýar, gygyrýar, sygyrýar, däli-porhan bolup gelýär* ("Türkmen halk ertekileri"). *Onuň däli-porhan bolup ýörşi ýaz möwsüminde başlanansoň, ot örgüniniň täsiri ýetendir diýibem tapdylar* (B. Gulow).

**DÄLIREME** [dä:lireme], *iş ady.* Däliremek ýagdaýy.

**DÄLIREMEK** [dä:liremek], *işl.* **1**. Däli bolmak, aň we ruhy taýdan kesellemek. **2**. *gepl.d.* Meslik sebäpli akylyndan azaşan ýaly bolmak. *Onuňam gowja gününi göterinmän, şol däliräp ýörşi, gözi ýer görenok.*

**DÄLIREMEKLIK** [dä:liremeklik], *iş ady.* Däliremek ýagdaýy.

**DÄLIREMEZLIK** [dä:liremezlik], *iş ady.* Dälilik katdyna ýetmezlik.

**DÄLIREŞMEK** [dä:lireşmek], *işl., gepl.d.* Bilelikde meslikden ýaňa kellelerini humarladyp, bolmajysy bolşup oturmak. *Ak aragyň başynda däliréşip oturmaňyz näme?*

**DÄLIRETMEK** [dä:liretmek], *işl.* **1**. Psihiki we aň taýdan näsaglyga uçratmak, dälirär ýaly etmek. *Bolmasa, olaryň meni däliretjegi hak.* **2**. Meslikden akylyndan azaşmak, akylyny ýitirtmek. *Haram pul ony däliredýär öýdýän?*

**DÄLIREÝIŞ** [dä:lireýiş], *iş ady.* Däliremek ýagdaýy.

**DÄLIRÄBERMEK** [dä:lirä:vermek], *işl.* Däliräp başlamak, däliräp ugramak.

**DÄLIŞGE** [dä:lişğe], *syp.*, *gepl.d.* Dälilige salyp, etjegini edip ýören; çala däli. *Haý oglan, dälişge, bälçiklik gylygyňy goý* ("Görogly").

**DÄLIŞGELIK** [dä:lişğelik], *at.* Dälişge bolan bolup ýörmeklik, samsyklyk.

**DÄLIŞGERÄK** [dä:lişğerä:k], *syp.* Biraz dälişge, az-kem dälişge häsiýetli. *Ol hili pikirler dälişgeräk adam-a beýlede dursun, akyly ýerinde adamynam däli etjekdi* (Ý. Durdyýew).

**DÄLI-TELBE** [dä:li-telve], *syp., ser.* **Däli 1**.

**DÄLIZ** [dä:li:z], *at.* **1**. Girelge, daşky jaý, gapydan giräýeniňdäki otag, jaý. *Däliz bilen gelýärkä, işikden çykmanka, Göroglyny gördi* ("Görogly"). **2**. Jaýyň otaglarynyň arasynda ýerleşýän insizje geçelge, ýörelge, koridor. *Ine, bir gezek hem uly arakesmä çykanymyzda, mekdebiň uzyn dälizinde diwar gazetleriniň asylgydygyny gördük* ("Türkmen dili").

**DÄNDIRIŞ** [dä:nniriş], *iş ady.* Dändirmek ýagdaýy.

**DÄNDIRME** [dä:nnirme], *iş ady.* Dändirmek ýagdaýy.

**DÄNDIRMEK** [dä:nnirmek], *işl.* Dänmäge boýun etmek, dänmäge mejbur etmek. *Öwezi sözünden dändirmekçi bolupdyr, Öwez dänmändir* ("Görogly").

**DÄNE** [dä:ne] **I**, *at.* **1**. Galla ösümlikleri we olaryň hasyly. *Her bir dänäň müň bolsun!* (Alkyş sözi). **2**. Arpa-bugdaýyň hasyly. **3**. Üzümiň, kişmişiň we ş.m. mivweleriň içiniň tohumy, çigidi. **4**. Bir jisimiň we ş.m. zatlaryň aýratyn ownuk bölejigi. *B. Kerbabaýewiň "Suw damjasy – altyn dänesi" romany.*

**DÄNE** [dä:ne] **II**, Meňzeş, kybapdaş zatlaryň aýratynlykda biri. *Bir däne bugdaý. Bir däne otluçöp. Çilimiň bir dänesi.*

**DÄNEÇILIK** [dä:neçilik], *at.* Oba hojalygynyň bugdaý, arpa, süle, çowdary we ş.m. galla önümlerini öndürmek bilen meşgul bolýan pudagy.

**DÄNE-DÄNE** [dä:ne-dä:ne], *syp.* Seçelenip duran, digir-digir, düwme-düwme, damja-damja. *Gyrat gözünden däne-däne ýaş dökdi* ("Görogly"). *Däne-däne bolup, seçelenip ýatan palaw oglanlaryň işdäsini açdy* ("Edebiýat we sungat").

**DÄNEGERÇEK** [dä:neğerçek], *at.* Neşe beriji häsiýeti bolan zäherli haşal ot.

**DÄNELEME** [dä:neleme], *iş ady.* Dänelemek ýagdaýy.

**DÄNELEMEK** [dä:nelemek], *işl.* Däne görnüşini almak, başlap ugramak, baş, däne getirmek. *Käbir ýerde peýda bolan gözgyny ýandaklar hem boýuny ýetirip bilmän, gülläp, däneläp bilmän naýynjar gollaryny egri-gyşyk gerip, ýere ýazylyp ýatyr* (B. Kerbabaýew).

**DÄNELEÝIŞ** [dä:neleýiş], *iş ady.* Dänelemek ýagdaýy.

**DÄNELI** [dä:neli], *syp.* **1**. Däne getirýän, däneleýän. *Däneli ösümlikler*. **2**. Dänesi bar bolan. *Däneli üzüm.*

**DÄNELIK** [dä:nelik], *syp.* Däne üçin niýetlenen.

**DÄNESIZ** [dä:nesiz], *syp.* **1**. Däne getirmeýän, dänelemeýän. *Dänesiz ösümlikler.* **2**. Dänesi bolmadyk, dänesi ýok, däneli däl. *Dänesiz üzüm.*

**DÄNIBERMEK** [dä:nivermek], *işl.* Dänip başlamak.

**DÄNIK** [dä:nik], *at.* Duzly suwda gaýnadylyp bişirilenden soň, ýag garylyp ýa-da garylman iýilýän bugdaý däneleri. *Bugdaýlar bişip, dänik boldy* (N. Pomma).

**DÄNINIM** [dä:ni:nim], *gepl.d.* Özbaşdak many aňlatman, käbir sözlerden soň gelýän kömekçi söz. *Bu wagt däninim oňa gep düşündirmek kyn, näme diýseň tersine tutýar, golaýdan baran özüň bolma* (G. Kulyýew).

**DÄNIŞ** [dä:niş], *iş ady.* Dänmek ýagdaýy.

**DÄNJIREMEK** [dä:njiremek], *işl.* Guduramak, aýnamak, meslige çydamazlyk. *Iniler, aşarak dänjiräňizde, Bir dem aşak eglip, gar dadyp görüň* (K. Gurbannepesow).

**DÄNJIREŞMEK** [dä:njireşmek], *işl.* Birnäçe bolup dänjiremek.

**DÄNJIRETMEK** [dä:njiretmek], *işl.* Guduratmak, aýnatmak, birine dänjiremäge mümkinçilik bermek.

**DÄNJIRÄBERMEK** [dä:njirä:vermek], *işl.* Dänjiräp başlamak, dänjiräp ugramak.

**DÄNME** [dä:nme], *iş ady.* Dänmek ýagdaýy.

**DÄNMEK** [dä:nmek] *işl.* Öňki pikiriňden, beren sözüňden, wadaňdan, lebziňden we ş.m. ýüz öwürmek, boýun gaçyrmak. *Ol özüniň lebzinden dändi.*

**DÄNMEKLIK** [dä:nmeklik], *iş ady.* Dänmek ýagdaýy.

**DÄP** [dä:p], *at.* Hemmeler tarapyndan kabul edilen tertip, jemgyýetde özüňi alyp barmagyň kada öwrülen düzgünleri, dessur. *Olar dillerinde aş gatyklasalar-da, bütin edim-gylymlary iliň däbine-de, edim-gylymyna-da garşy* (B. Kerbabaýew).

**DÄP-DESSUR** [dä:p-dessu:r], *at.* Adat bolup galan adat, dessur, ýörelge, däp.

**DÄRI** [dä:ri] **I**, *at, gepl.d.* Derman. *Günbe-günden artyp derdim, Däri istäp perwanadyr* (Magtymguly).

**DÄRI** [dä:ri] **II**, *at.* Ot açýan ýaragy göçürmek üçin ulanylýan partlaýjy jisim.

**DÄRI-DERMAN** [dä:ri-derma:n], *at.* Birini keselden halas etmek, keseliň öňüni almak üçin ulanylýan bejeriş serişdesi.

**DÄSIR** [dä:si:r], *at.* Bir batmanyň dörtden biri, ýagny 5 *kg* deň bolan agyrlyk ölçegi *Her däsirine bir şaýy aljakdy* (B. Kerbabaýew).

**DIALEKT** [diýale:kit], *at, dil b.* Umumyhalk diliniň bir görnüşi bolan ýerli gepleşik, şiwe.

**DIALEKTOLOGIÝA** [diýalektolo:ğyýa], *at.* Dil biliminiň dialektleri öwrenýän bölümi.

**DIDAR** [di:da:r], *at.* **1**. Ýüz, keşp, görnüş. *Haýsy aşyk geçdi didardan doýup, Zülpi zerewşanym, ýene geldiňmi?* (Halk aýdymy). *Baýram jan, didaryňdan aýlanaýyn* (A. Durdyýew). **2**. Oglana dakylýan at.

**DIDARLAŞMAK** [di:da:rlaşmak], *işl.* Görüşmek, duşuşmak.

**DIDE** [di:de], *at.* **1**. Göz. *Dört gyzym dört nury didäm, Gulak goýuň sözlerime: Dört ogul deý, dört iner deý Kuwwat beriň dyzlaryma* (G. Ezizow). **2**. Erkek dogana aýal doganyň gowy görüp "gara gözüm" manysynda aýdýan sözi. *Didäm orak oranda, Saýa bolsam üstüne* (Läle). *Didäm, atyň säkdirme, Säkdir, toýnak kakdyrma* (Halk döredijiliginden).

**DIDEBAN** [di:deva:n], *at.* **1**. Gorag hem-de barlag üçin goşunyň öň hataryna iberilýän uly bolmadyk topar. **2**. *ser.* **Didiwan**.

**DIDIWAN** [di:duwa:n], *at.* Tüpeňiň niliniň ujundaky garawula dogrulanýan, ok sürülýän ýeriniň ýokarsynda haçja ýa-da dilkaw görnüşli kertijek. *Awçy ak jereni aldy nyşana, Nazaryny didiwanda egledi* (M. Seýidow).

◊ **Didiwana almak** nyşana dogrulamak, çenemek. **Didiwana mündürmek** nyşana almak.

**DIGDENEKLEME** [diğdenekleme], *iş ady.* Digdeneklemek ýagdaýy.

**DIGDENEKLEMEK** [diğdeneklemek], *işl.* Sowukdan ýaňa üşemek ýa-da näsaglyk sebäpli üşüdip titremek, sandyramak, gagşamak. *Digdenekläp duran oglanjyk.*

**DIGDENEKLEMEKLIK** [diğdeneklemeklik], *iş ady.* Digdeneklemek ýagdaýy.

**DIGDENEKLEŞMEK** [diğdenekleşmek], *işl.* Birnäçe bolup digdeneklemek; sowukda üşäp titreşmek, üşäp sandyraklaşmak.

**DIGDENEKLETMEK** [diğdenekletmek], *işl.* Digdeneklär ýaly etmek, digdeneklemäge mejbur etmek.

**DIGDENEKLEÝIŞ** [diğdenekleýiş], *iş ady.* Digdeneklemek ýagdaýy.

**DIGDENEKLÄBERMEK** [diğdeneklä:vermek], *işl.* Digdenekläp başlamak, digdenekläp ugramak.

**DIGDIKLEMEK** [diğdiklemek], *işl., gepl. d., ser.* **Digdeneklemek**. *Garry köpek sowuga çydaman digdikleýär.*

**DIGDIKLEŞMEK** [diğdikleşmek], *işl., ser.* **Digdenekleşmek**.

**DIGDIKLETMEK** [diğdikletmek], *işl., ser.* **Digdenekletmek**.

**DIGDIREMEK** [diğdiremek], *işl., ser.* **Digdeneklemek**.

**DIGDIREŞMEK** [diğdireşmek], *işl., ser.* **Digdenekleşmek**. *Çagalar digdireşip oturmaz ýaly, çerkez bormy, çogan bormy, ganymadrak odun getireýin* ("Edebiýat we sungat").

**DIGDIRETMEK** [diğdiretmek], *işl., ser.* **Digdenekletmek**.

**DIGER** [diğer] **I**, *at.* Hiç zat, nam-nyşan. *Bulutdan diger ýok, howa-da diýseň dury.*

**DIGER** [diğer] **II**, *at.* Jykyryň küýzesi.

**DIGIR** [diğir], *syp.* Bir zadyň bölejiginiň kiçijik, gatyja görnüşlisi. *Heniz palaw demini alyp ýetişmändir, içinde digiri bar.*

**DIGIRDEME** [diğirdeme], *iş ady.* Digirdemek ýagdaýy.

**DIGIRDEMEK** [diğirdemek], *işl.* Gorky, ürki we ş.m. zat sebäpli endam-janyňda jümşüldi peýda bolmak, endamyň dyglamak. *Ahmediň endam-jany digirdäp gitdi* (G. Kulyýew).

**DIGIRDETMEK** [diğirdetmek], *işl.* Birini digirdemäge mejbur etmek.

**DIGIRDEÝIŞ** [diğirdeýiş], *iş ady.* Digirdemek ýagdaýy.

**DIGIRDÄBERMEK** [diğirdä:vermek], *işl.* Digirdäp başlamak, digirdäp ugramak.

**DIGIR-DIGIR** [diğir-diğir] **I**, *syp.* Bir zadyň bölejikleriniň kiçijik, gatyja görnüşlileri. *Bişmedik şüläniň tüwüsi digir-digir bolar.*

**DIGLEME** [diğleme], *iş ady.* Diglemek ýagdaýy.

**DIGLEMEK** [diğlemek], *işl.* Garaşylmadyk wakanyň, hadysanyň täsiri netijesinde endamyň tikeneklemek, dyglamak. *Meniň endamym digläp, iki baka yranýaryn.*

**DIGLEMEKLIK** [diğlemeklik], *iş ady.* Diglemek ýagdaýy.

**DIGLETMEK** [diğletmek], *işl.* Diglemäge mejbur etmek, diglemäge sebäp bolmak. *Dostunyň agzyndan eşiden sözleri onuň inini digletdi.*

**DIGLÄBERMEK** [diğlä:vermek], *işl.* Digläp başlamak, digläp ugramak.

**DIK**, *syp., hal.* **1**. Keseligine däl, göni ýokarlygyna duran. *Dik agaç.* **2**. Aýak üstünde, ör-boýuna. *Ol oturjagyny-da, dik durjagyny-da, tama söýenjegini-de bilmän, oda basan ýaly bolup zowzuldaýardy* (B. Seýtäkow). **3**. Göni, dogry, gabat. *Ine, dik gaşymda bir goja otyr* ("Edebiýat we sungat"). *Bu ýol dik ilerik gidýär.*

◊ **Dik dur (duran)** iňňeden çykma, täze (täze geýlen eşik hakda). *Onuň geýen eşikleri dik dur, ösüne seredýän adam bolmaly.* **Dik durmak** janypkeşlik bilen işlemek, janlaryny gaýgyrmazlyk. *Adamlar dik durup, toýumyzy sowuşdylar, agyr mähelläni abraý bilen gaýtardylar*. **Dik oturmak** uklaman oturmak, uklaman oturyp geçirmek. *Garry ene şol habary alaly bäri, gijelerine-de dik oturýardy.*

**DIKAN** [dika:n], *hal, syp.* Göni, dogry. *Ol maňa dikan bir zat diýenok. Şol çykalganyň hem bir ýeri münüp-düşmesi örän kyn, darajyk we dikan çykmaly ýodady* (A. Gowşudow). *Hatyň hatdan, sözüň sözden parhy kän, Güýçlüsi ýürege ýönelýär dikan* (A. Kekilow).

**DIKANA** [dika:na], *at.* Käriziň dik çukury. *Indi ýedinji dikanadan girmeli.*

**DIKANLAMA** [dika:nlama], *iş ady.* Dikanlamak ýagdaýy.

**DIKANLAMAK** [dika:nlamak], *işl.* Göni nazaryňy dikmek. *Gandym aksakgal jedeliň arasyny açmak isledimi, nämemi, Öwezmyrat batyra dikanlap sorag berdi* (A. Gowşudow).

**DIKANLAMAKLYK** [dika:nlamaklyk], *iş ady.* Dikanlamak ýagdaýy.

**DIKANLAŞMAK** [dika:nlaşmak], *işl.* Biri-biriňe dogry seretmek, biri-biriňe nazaryňy dikmek. *Dikanlaşyp bakdy goşa garaklar, Aýlaryň göreji diýip "Hoş ene!"* (B. Kerbabaýew).

**DIKANLAÝYŞ** [dika:nlaýyş], *iş ady.* Dikanlamak ýagdaýy.

**DIKARYN** [dika:ry:n], *hal, ser.* **Dikan**.

**DIKARYNLAMA** [dika:ry:nlama], *iş ady.* Dikarynlamak ýagdaýy.

**DIKARYNLAMAK** [dika:ry:nlamak], *işl., ser.* **Dikanlamak**. *Ol nämedir bir zady ýadyna düşürjek bolýan ýaly, maňa dikarynlap seretdi* ("Edebiýat we sungat").

**DIKBAŞ**, *syp.* Başy aşak egilmeýän, gaňrylmaýan kyrkgünlük ak jöwen. *Mellege dikbaş jöwen ekildi.*

**DIKDIRMEK**, *işl.* **1**. Ýere oturtdyrmak, düýbüni, ujuny ýere gömdürmek, dikip goýdurmak. *Pürs dikdirmek.* **2**. Saldyrmak, gurdurmak (jaý hakynda). *Bakjanyň ileri çetinde sakçy üçin çatma dikdirdiler.*

**DIKDÜŞDI** [dikdüşdü], *syp.* Öz diýenini etdirjek bolup dyrjaşýan, düşünmezek, keçje, tünt. *Beýle dikdüşdi bolmaň.*

**DIKDÜŞDÜLIK** [dikdüşdülük], *at.* Öz diýeniňi etdirjek bolup dyrjaşmaklyk, düşünmezeklik, keçjelik. *Hallygözel adamsynyň dikdüsdüliginden jany ýanyp, gaharly hüňürdedi* (B. Gulow).

**DIKE**, *at, ýerli g.* Gulagyň aşak ujunyň ýumşajyk ýeri, ysyrgalyk.

**DIKEÇ**, *at.* **1**. Ýasalan çörek gyzan tamdyra ýapylmazyndan öň onuň ýüzüni dürtmek üçin diş-diş gural, dürtgüç. **2**. *at.* Zolak, sütün. *Men ýene-de jübimden eplem-eplem bolan gazeti çykardym-da, özüme zor salyp, iki-üç dikeji okap çykdym* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Dikeç gant** aşagy tegelek, ýokarsy çüri gant bölegi. **Dikeç ýaly (misli dikeç)** dim-dik (adam hakda). *Darak geçmez saçlak misli bir dikeç, Naýza gezäp durdy tüýnüge tarap* (K. Gurbannepesow).

**DIKEÇLEMEK** [dikeşleme], *işl.* Dürtgüçlemek, dikeç bilen dürtmek. *Araba ýoluň iki tarapyndaky garlaryň üsti dikeçlenen petiriň ýüzi ýalydy* (B. Seýtäkow). *Biri torguş bolup, dikeçlär, dürter* (K. Gurbannepesow).

**DIKE-DIKE: dike-dike etmek** bölek-bölek etmek, para-para etmek.

**DIKELDIBERMEK** [dikeldivermek], *işl.* Dikeldip başlamak, dikeldip ugramak.

**DIKELDILME**, *iş ady.* Dikeldilmek ýagdaýy.

**DIKELDILMEK**, *işl.* **1**. Ýykylan, gyşaran zat dik goýulmak, galdyrylmak; ör turzulmak; dik oturdylmak (adam hakda). *Ýykyljak-ýykyljak bolup gyşaran tok simli pürs dikeldildi*. **2**. *göç.m.* Ýykylan desgalar, jaýlar täzeden salynmak, gurulmak; öňki kadaly katdyna getirilmek. *Ýykylan jaýlar dikeldildi. Oba hojalygy dikeldildi.*

**DIKELDIŞ**, *iş ady.* Dikeltmek ýagdaýy. *Şypahana bejeriş we dikeldiş hyzmatlarynyň giň toparyny amala aşyrýar.*

**DIKELDIŞMEK**, *işl.* Ýerinden galdyrmaga, ör turuzmaga, dim-dik edip goýmaga, galdyrmaga kömekleşmek.

**DIKELIBERMEK** [dikelivermek], *işl*, Dikelip başlamak, dikelip ugramak.

**DIKELIŞ**, *iş ady.* Dikelmek ýagdaýy.

**DIKELME**, *iş ady.* Dikelmek ýagdaýy.

**DIKELMEK**, *işl.* **1**. Oturan ýeriňden ör-boýuňa, aýak üstüne galmak, turmak. *"Ol nähili türkmenler?" diýip, Jolmürzäýew sapançasyny ýalaňaçlap dikeldi* (B. Seýtäkow). *Zal durşuna dikeldi* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Ýatan ýeriňden galyp, dik oturmak. *Onuň sowalyny çynlakaý hasap edip dikeldi-de, aýbogdaşyny gurup oturdy* (B. Kerbabaýew). **3**. Has dik görnüşe girmek. *Gapynyň agzynda dim-dik bolup duran satanlak, betnyşan Kakabaý has dikeldi* (B. Seýtäkow). **4**. Boýuna ösmek, beýgelmek, gurulmak, salynmak, galdyrylmak. *Jaýyň gurluşygy gowy gidýäni üçin, gün-günden boýy dikelýärdi.* **5**. Öňki kadaly katdyna gelmek. *Saglygy dikelmek. Jaýyň boýy dikelmek.*

**DIKELMEKLIK**, *iş ady.* Dikelmek ýagdaýy.

**DIKELTMEK**, *işl.* **1**. Dikelmäge mejbur etmek, oturan ýerinden ör-boýuna, aýak üstüne galdyrmak, turuzmak. **2**. Ýatan ýerinden galdyryp, dik oturtmak. *Şol wagt onuň üstünden gelen Mawy ony tanady, başyny galdyryp dikeltmek isledi* (B. Kerbabaýew). **3**. Has dik görnüşe getirmek. *Aman poşşy özüniň daýaw göwresini dikeldip, murtuny sypady* (A.Gowşudow). **4**. Öňki kadaly katdyna getirmek. *Öz saglygyňy dikeltmek. Halk hojalygyny dikeltmek.*

**DIKGERIBERMEK** [dikgerivermek], *işl.* Dikgerip başlamak, dikgerip ugramak.

**DIKGERIŞ**, *iş ady.* Dikgermek ýagdaýy.

**DIKGERME**, *iş ady.* Dikgermek ýagdaýy.

**DIKGERMEK**, *işl.* Gereginden artyk dikelmek, göwräňi dograldyp, başyňy ýokary tutmak. *Aýagynyň burnuna seretmän dikgerdi* (R. Gelenow).

**DIKGERMEKLIK**, *iş ady.* Dikgermek ýagdaýy.

**DIKGERTMEK**, *işl.* Dikgerer ýaly etmek, dikgermäge mümkinçilik bermek, gereginden artyk dikeltmek, hekgertmek. *Ol guwanç bilen başyny dikgerdip, göçgünli-göçgünli gepledi* ("Edebiýat we sungat").

**DIKGI**, *syp.* Dikgerip, hekgerip duran.

**DIKGIRDEME**, *iş ady.* Dikgirdemek ýagdaýy.

**DIKGIRDEMEK**, *işl.* Dikgirdili ses çykaryp ýöremek, dikgir-dikgir edip ýöremek (eşek barada). *Taýhar ýeňillik bilen dikgirdäp, öz yzynda inçejik tozanjyk emele getirerdi* (B. Kerbabaýew).

**DIKGIRDEMEKLIK**, *iş ady.* Dikgirdemek ýagdaýy.

**DIKGIRDEŞMEK**, *işl.* Çalt ýöreşip barmak (birden köp eşek barada). *Üsti ýükli eşekler köçe bilen dikgirdeşip barýardy.*

**DIKGIRDETMEK**, *işl.* Dikgirdili sürmek, ýöretmek. *Takyrjak ýerde dikgirdedip bolmaýan eşek-de oňňürdigini ýazman ylgady* (B. Kerbabaýew).

**DIKGIRDEÝIŞ**, *iş ady.* Dikgirdemek ýagdaýy.

**DIKGIRDÄBERMEK** [dikgirdä:vermek], *işl.* Dikgirdäp başlamak, dikgirdäp ugramak.

**DIKGIRDI**, *at.* Eşek ýörände toýnagyndan çykýan sesi we onuň ýöreýşiniň bir görnüşi. *Hälki takyr ýerde ýol paramaýan eşekleriň indi gybyrdysy artyp, dikgirdileri galyp, zordan yrgyn atýardylar* (B. Annageldiýew).

**DIKGIR-DIKGIR**, *ser.* **Dikgirdi**.

**DIKILGAZYK** [dikilğazyk]**: dikilgazyk bolmak** hiç ýaňa gymyldaman sömelip durmak; bendiwan bolup durmak. *Ejem bolsa men başymy ýassyga goýanymdan meniň gapdalymda dikilgazyk bolup oturdy* (G. Seýitmädow). *Beýlekisi semawaryň başynda dikilgazyk boldy* (R. Allanazarow).

**DIKIBERMEK** [dikivermek], *işl.* Dikip başlamak, dikip ugramak.

**DIKILMEK**, *işl*. **1**. Agaç, taýak ýaly dikip bolýan zatlaryň düýbi ýere gömlüp goýulmak. *Suwuň içine dikilen gazygyň ýüzünde ýazgy bar* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Gurulmak, salynmak. *Obanyň çetinde ýeke dikilen öý.*

◊ **Dikilip durmak** biriniň ýanynda dik durmak, aýrylman durmak. – *Gaşymda beýdip dikilip durmasana!*

**DIKIŞ**, *iş ady.* Dikmek ýagdaýy.

**DIKLEMEK**, *işl.* Gün-güzeranyny dolamak, saklamak, eklemek. *Uly maşgalany onuň ýeke özi dikläp otyrdy.*

**DIKLEŞIBERMEK** [dikleşivermek], *işl*. Dikleşip başlamak.

**DIKLEŞIŞ**, *iş ady.* Dikleşmek ýagdaýy.

**DIKLEŞME**, *iş ady.* Dikleşmek ýagdaýy.

**DIKLEŞMEK**, *işl*. **1**. Iki art aýaklarynyň üstüne galyp garpyşmak (it hakda); dik duran ýerlerinde tutluşmak. *Uruşýan itler dikleşip, biri-birine agyz saldylar.* **2**. Ýüzbe-ýüz bolup diýişmek, dawalaşmak. *Men iň soňunda onuň bilen dikleşmäge mejbur boldum* (B. Kerbabaýew). *Äri bilen dikleşip, agzyny deňäp duran gelin däl-de, ýalyn bilen ýaşaşyp bilmerin* (B. Gulow). **3**. *gepl.d.* Biri-birini ýykjak bolup çynlakaý herekete girişmek (pälwanlar hakynda). *Pälwanlar dikleşdiler.*

**DIKLEŞMEKLIK**, *iş ady.* Dikleşmek ýagdaýy.

**DIKLIGINE** [dikliğne], *hal.* Dik boýuna. *Pürsleri dikligine goýuň.*

**DIKLIK**, *at.* Beýikligi, boýy boýunça uzynlyk.

**DIKME**, *iş ady.* **1**. Dikmek ýagdaýy. **2**. *at, taryh.* Patyşanyň ýurduň çet welaýatlarynda höküm sürmek üçin bellän, goýan wekili.

**DIKMEK**, *işl*. **1**. Bir zadyň düýbüni ýere gömmek, dik oturtmak. – *Orazsoltan eje, çökelik torbaňy asar ýaly agaç dikmändirin – diýip, Berdi ýadyndan çykaran iň soňky işini bitirdi* (H. Derýaýew). **2**. Gurmak, salmak, galdyrmak. *Bu gün çatma dikmek hem başga işleri bilen meşgul boldular* (A. Gowşudow). **3**. Dikilgazyk etmek, sömeltmek. *"Bolşuň şu bolsa, seni başlygyň öňünde dikerin" diýip, gazap atyna mündi*. **4**. Gönüläp tutmak, çenemek, gezemek. *Tüpeňiň nilini göni janawaryň maňlaýyna dikdi.* **5**. *gepl.d.* Çümdürmek, sokmak. *Ýaman gahary gelip, bilindäki pyçagyny sogrup, Suhan gatynyň kükreginden dikmek isledi* (H. Derýaýew).

**DIKMEKLIK**, *iş ady.* Dikmek ýagdaýy.

**DIKRAR** [dikra:r], *at.* Göz dikilýän, bil baglanýan, perzent, umydygär. *Iki öýüň ýeke dikrary sensiň, oglum* ("Edebiýat we sungat").

**DIKÝAKA**, *syp.* Ýakasy dik, beýik dikilen. *Dikýaka köýnek.*

**DIKUÇAR** [dikuçor], *at.* Dikligine ýokaryk galýan we aşak düşýän, üsti, öňi we guýrugy perli ýörite gurluşly uçar, perganat.

**DIL**, *at.***1.** Oňurgaly haýwanlaryň we adamyň agyz boşlugynda ýerleşen we iýmiti çeýnemäge, ýuwutmaga, mundan başga-da onuň tagamyny bilmäge kömek edýän agzasy. *Ol häli-şindi galamy diline degrip, iri harplar bilen ýürekdäki dykyn bolup duran sözleriň baryny ýazyşdyrdy* (A. Durdyýew). *Dodaklaryňy diliň bilen ýalamak. Diliňi ýakmak. Dermany diliň aşagynda goýmak.* **2**. Käbir haýwanlaryň et görnüşinde peýdalanylýan synasy. *Gowrulan dil.* **3**. Adamyň pikirini söz üsti bilen beýan etmäge hem-de sözleýşiň seslerini emele getirmäge gatnaşýan beden agzasy. *Dil – bela, diş – gala* (Nakyl). **4**. Adamlaryň arasynda özara aragatnaşyk serişdesi bolup hyzmat edýän, belli bir ses we grammatik gurluşa eýe bolan söz arkaly pikiri aňlatmagyň ulgamy. *Gadymy diller. Türkmen dili. Diliň taryhy. Biriniň dilini tapmak.* **5**. *göç. m. harby.* Gerekli maglumat almak maksady bilen tutulyp getirilen ýesir. *Gözegçilik çekýän ýa-da dil tutmaga giden ýigitler bolaýmasa, galan atlylar gür agaçlaryň saýasynda çem gelen ýerde çäşerilip ýatyrdylar* (G. Kulyýew). **6**. Sözleýşiň haýsydyr bir häsiýetli alamatlara eýe bolan görnüşi; stil. *Edebi dil. Gepleşik dili. Şahyrana dil. Gazetiň dili. Ylmy işleriň dili*. **7.** Sözleýşiň kimdir birine, nämedir bir zada mahsus bolan häsiýetli usuly; hususy stil. *Magtymgulynyň dili. Romanyň gahrymanynyň dili.* **8.** Sagatda, kompasda, kyblanamada we ş.m. gurallarda öz okunyň daşynda aýlanyp, wagty, tarapy, tizligi görkezýän inçeden uzynja demir diljagaz. *Sagadyň dili on biri görkezýärdi. Maşynyň dili uly tizligi görkezýärdi*. **9**. Gamyş tüýdügiň, gopuzyň we ş.m. ses çykarýan böleginiň ady. **10**. *göç.m.* Owaz, labyz. *Şirin dilli dutarym.*

◊ **Dil açmak (çykarmak) 1)** gürlemek, geplemek, sözläp başlamak. *Köpden bäri dilsiz galan Artyk Aýnanyň şol keşbini görenden soň, dil açdy* (B. Kerbabaýew). **2)** ýaňy gepläp, käbir sözi aýdyp başlamak, dil çykarmak (çaga hakynda). *Eziz çaga "Watan!" diýip dil açýar, Ömür ýazy kyrk çillede gül açýar* (D. Baýmyradow). **3)** ozal geplemezek, dymmarak bolup, soň geplemsek, geplegen bolmak. *Men içimden: "Goja şu çäýnegi ýarpylaberenden soň dil açaýsa gerek" diýip pikir etdim.* **Dil bermek 1)** razy bolmak, söz bermek. **2)** ýüregiňi bermek, göwün bermek. *Men dilbere dil berdim.* **Dil bilen orak ormak** emgenmezlik, dilde hemme zady aňsat etmek, gülala-güllük etmek. **Dil bilimi** dil hakyndaky ylym. Diliň ähli kanunalaýyklyklaryny we taryhy ösüşini öwrenýän ylym. *Dil bilimine giriş.* **Dil bilmez** gepe-söze düşünmeýän, akyly kem. *Huş gider, akyl kem bolar, Dil bilmez haýwan uçraşsa* (Magtymguly). **Dil birikdirmek (düwüşmek)** bir işi amala aşyrmak üçin, köplenç, öňünden gizlin gepleşmek, wadalaşmak. *Bu gün irden Dursunyň joralaryndan bir topary edil dil birikdirip diýen ýaly üýşüp, Dursunlara geldi*

(H. Ysmaýylow). **Dil bitmek** *ser.* **Dil açmak.** *Üç ýaşyna gidende, Saýrap duran dil biter* (Hüwdi). *Ýaňy dil biten çaganyň dili gör, nähili enaýy bolýar!* **Dil bolmak, göz bolmak** dile düşmek, göz degmek. **Dilden, agyzdan galmak** agyr, ölüm halynda gepläp bilmän ýatmak. *Han-ha, indi dilden-agyzdan galyp ýatyr*. **Dilden-dile geçmek** bir habar agyzdan agza geçip, biriniň üsti bilen ikinji birine ýetip, kem-kemden ýaýramak. *Gadymy halk döredijilik nusgalary dilden-dile, agyzdan-agza geçip, häzirki güne gelip ýetipdir.* **Dilden düşmezlik** meşhurlyk taýdan ady köp agzalmak, ýatlanylmak. *Bu işgärler tanyş bize ozaldan, Düşmeýärdi mydam atlary dilden* (J. Ilmyradow). **Dile, agza düşmek** erbetlik taýdan haku-nähak iliň arasynda adyň ýaýramak, ile gürrüň bolmak. *Ol beýle dile-agza düşmeli däldir.* **Dile düşmez** gep-gürrüňe düşünmeýän, nadan, dikdüşdi. **Dile geldi**, **bile geldi** niýetiňe düweniňi, diýjek zadyňy aýt, ýaşyrma. *Dile geldi, bile geldi, aýdyp goýber, Mergen aga!* (D. Esenow). **Dil haty** bir zady boýun alyp berilýän hat. **Dili agyr** düşünmesi kyn, çylşyrymly. *Eseriň dili agyr bolsa, ol okyjyny irizýär.* **Dili aýlanmak** gepläp bilmek, geplemäge, gürlemäge güýji ýetmek, gurby çatmak. *Parhy ýok, şol bir bolşunda, onuň dili aýlansa, berýäni şol bir jogabydy* (A. Gowşudow). **Dili barmazlyk** aýtmaga bogny ysmazlyk, aýdyp bilmezlik. *Adyňy tutmaga barmaýar dilim, Men seniň bilbiliň, sen meniň gülüm* (Baýly şahyr). **Dili batyr** dogumly, ýerlikli, dözümli gepleýän. *Garlynyň pikiriçe, ogullarynyň iň dili batyry hem ýeke sözlüsi Myratdy* (A. Gowşudow). **Dili duzly (awuly**, **şerebeli)** ajy sözli, janyňa degjek sözleri aýdagan. *Dili duzly köse ony ýaňsa alman durup bilmedi* (B. Kerbabaýew). **Dili gysga** müýnli, aýyply, etmişli. *Enem-atama söz ýeter, iliň içinde dili gysga bolar diýibem oýlanan däldir* (N. Saryhanow). **Dilimiň ujunda** ýa-da düşjek-düşjek bolup duran zat, söz. *Seniň diýýän kitabyň ady dilimiň ujundady welin, ýadyma düşenok.* **Diline dyngy bermezlik** yzyny üzmän, örän köp geplemek. **Dilini baglamak** geplemez ýaly etmek; geplemekden, gürlemekden mahrum etmek. *Men ol adamyň gözüni görenimde, onuň nazary meniň dilimi baglady.* **Dilini damagyna ibermek** *ser.* **Dilini ýeňsesinden çekmek**. *Uzyn ýokarky sözler bilen gürrüňdeşiniň dilini damagyna iberendigine anyk gözüni ýetirdi* (B. Seýtäkow). **Dilini tapmak** ýüreginden turmak, ugruny tapmak, sözüň alyşmak. **Dilini ýeňsesinden çekmek** gaýdyp gürlemez ýaly etmek, temmi bermek. **Diliňe almak 1)** göwnüňe degen zady mahal-mahal agzamak. **2)** göriplik edip başga biriniň üstünligi hakynda bir zat aýtmak. *Başga biriniň durmuşyny diliňe almak gowulygyň alamaty däl.* **3)** birine eden ýagşylygyňy häli-şindi ýatlap durmak, köp agzamak. **Diliň barmak** birine erbet söz aýdyp bilmek. *Oňa erbet zat diýmäge neneň diliň barýar?* **Diliňe çolamak** amatsyz, bolgusyz zady diliňe almak, aýtmak. *Seniň bu işiň hiç kimiňkiden artyk iş däl, bar bitireniň şu bolsa, onda ony diliňe-de çolap oturma!* ("Görogly"). **Diliňe degirmek** iýmän, çala datmak. *Ýas ýerine baranlar öňlerinde goýlan nahardan diline degrip, molla aýat okatdylar.* **Diliňe gelmek** kelläňde birden dörän pikiri aýtmak mümkinçiligi bolmak. **Diliň gijemek** bir zady aýdasyň gelip durmak. **Diliňi aýnatmak** süwümsizlik edip, sözleri nädogry aýtmak. **Diliňi dişlemek** özüňe basalyk bolmak, diýjek sözüňi aýtman saklanmak, gürlemezlik. **Diliňi salajyn goýbermek** agzyňa gelenini aýtmak, paýyş söz aýtmak. **Diliňi salajyn goýbermezlik** agzyňa gelenini diýmek, paýyş söz aýtmak. *Bally han, diliňi salajyn goýberme* (B. Kerbabaýew). **Diliň tutulmak** aljyramak, gorkmak we ş.m. zerarly gepläp bilmezlik. **Dili öwrülmezlik** sözleri, sesleri aýdyp bilmezlik, düşnükli gepläp bilmezlik. **Dili süýji** hoş sözli, mähirli. *Ol dili süýji, gowy adam.* **Dili uzyn bolmak** bir zat aýtmaga, talap etmäge hakly bolmak, biriniň öňünde utançly bolmazlyk. *Özüňe tabşyrylýan işleri wagtynda berjaý etseň, diliň uzyn bolar.* **Dili ýeňil 1)** düşnükli, beýan ediş taýdan ýerbe-ýer, akgynly. *Eseriň dili ýeňil.* **2)** aýdan sözüne jogapkärçilikli garamaýan, oýlanyşyksyz sözleýän, diline buýrup bilmeýän. **Dil ujundan** göwünli-göwünsiz, zordan. *Ýagmyr Perman bilen dil ujundan saglyk-amanlyk soraşdy* (G. Kulyýew). **Dil ýarmazlyk** kelam agyz söz aýtmazlyk, hiç zat aýtmazlyk, jyňkyňy çykarmazlyk. *Ýöne Şükür bilen halaşýanymyzy görüp durkaňyz hem eger-eger ýalandan-çyndan dilem ýaraňzok-la!* (T. Gurbanow). **Dil ýetirmek** birine, bir zada şek ýetirmek, at dakmak, mertebesini peseltmek niýeti bilen ýaman söz aýtmak. – *Ömrüňde bir gezek aýlawa geläýdiň weli, Tarlana-da dil ýetirdiň-aýt!* – *diýip, Oraz ýoldaşyna käýindi* (B. Pürliýew).

**DILARDY** [dila:rdy]: **dilardy çekimsizler** çekimsiz sesleriň işjeň gep agzalary esasynda bölünen topary. *Dilardy çekimsizler iki topara bölünýär: a) yzky kentlewük çekimsizleri: k [kak], ğ [da:ğ], ň [gaňňa], h [nyrh]; b) ortaky kentlewük çekimsizleri: k [kir], g [gel], ň [geň].*

**DILBER** [dilver], *at, syp., kön.s.* **1**. Söýgüli dildar, ýürekdeş, ýar. *Garşym alyp duran dilber, Näzlim, bir suw ber içeýli!* ("Görogly"). *Gadam ýerine ganat baglap uçar men, Diýse dilber: "Aşyk, ýör bizim sary"* (Magtymguly). **2**. Gyza dakylýan at.

**DILÇI**, *at.* Dil biliminden hünärmen. – *Berekella, Kyýas! Iş barada şeýle göwnejaý düşünjäň bilen senden bijaý salyhatly dilçi çykar* (N. Jumaýew).

**DILÇILIK**, *at.* Dilçiniň käri, ýagdaýy.

**DILDAR** [dilda:r], *at, kön.s., ser.* **Dilber 1**. *Ili gökleň, ady Meňli, Näzli dildardan aýryldym* (Magtymguly).

**DILDARLYK** [dilda:rlyk], *at.* Dildaryň ýagdaýy, dildar bolmaklyk. *Gyrmyz geýip dildarlyga ýeten gyz* (Mollanepes).

**DILDEN** [dillen], *hal.* Ýazmaça görnüşinde däl-de, dil bilen aýtmaklyk. *Dilden aýtmak. Matematikadan dilden synag boljak.*

**DILDIRMEK** [dillirmek], *işl.* Pyçaga, päkä teniň bir ýerini dilkaw kesdirmek. *Pyçaga eliňi dildiräýdiňmi?*

**DILDÜWŞÜK** [dillüwşük], *at.* Birine ýa-da bir ýurda garşy bilelikde hereket etmek barada hyýanatçylykly gizlin ylalaşyk.

**DILEG** [dileğ], *at.* **1**. Birinden bir zat sorap ýüz tutmaklyk, birinden edilýän haýyş. *Altyn gapylynyň agaç gapyla-da dilegi düşer* (Nakyl). *Aç hem bolsaň, barma ile dilege!* (Magtymguly). **2**. Isleg, arzuwlaryň amala aşmagyny diläp, Alladan edilýän haýyş. *Garryja mamasy ýagşy dileg bilen Permany ugradyp, sekiniň erňeginde saýyl bolup galdy* (A. Gowşudow). **3**. Dileg sözüniň yzyndan etmek kömekçi işligi gelip, düzümli işlik ýasalýar: **Dileg etmek** Alladan isleg-arzuwlaryň amala aşmagyny dilemek. *Ýöne olaryň sag-aman dolanyp gelmeklerini dileg et* (B. Seýtäkow).

**DILEGÇI** [dileğçi], *at.* **1**. Zat dilemäge, soramaga gelen adam. **2**. Dilegçilik edip gün görýän adam, gedaý.

**DILEGÇILIK** [dileğçilik], *at.* Dilegçiniň ýagdaýy, mätäçlik zerarly dileg etmek bilen meşgul bolmaklyk.

**DILEME**, *iş ady.* Dilemek ýagdaýy.

**DILEMEK**, *işl.* **1**. Birinden bir zat bermegini haýyş edip, ýüz tutmak, dileg salmak. **2**. Alladan isleg-arzuwlaryň amala aşmagyny soramak, haýyş etmek. *Jan tenimde myhmandyr, Eşreti dilär göwnüm* ("Görogly"). *Pirguly aga ýigitleriň sag-aman gelmeklerini diläp, derwezäniň daş ýüzünde garaňkyda duran ýerinde Hudaýdan dileg etdi* (B. Seýtäkow). **3**. Bir zat satyn aljak bolanyňda bahalaşmak, öz kesgitlän bahaňy aýdyp, şol nyrhdan satmagyny soramak. *Düýäni diýýän bahasyndan birneme bärräk diledim.*

**DILEMEKLIK**, *iş ady.* Dilemek ýagdaýy.

**DILENJEŇ**, *syp.* Bir zat dilemäge endik eden, dilenip ýören. *Dilenjeň çaga*.

**DILENJEŇLIK**, *at.* Dilenjeň bolmaklyk, dilenip ýörmeklik. *Dilenjeňlik onuň iň bir ýigrendik zadydy.*

**DILENMEK**, *işl.* Özüň üçin bir zat bermeklerini soramak, özüň üçin dilemek.

**DILEŞMEK**, *işl.* **1**. Dilemäge kömek etmek. *Eger saňa ertir rugsat gerek bolsa, müdiriň ýanyna baryp, özümem dileşeýin*. **2**. *Birnäçe adam bolup dilemek.*

**DILETMEK**, *işl.* Bir zady sorap ýüz tutdurmak, dileg etdirmek.

**DILEWAR** [dilewa:r], *syp.* Çeper geplemegi başarýan, gepe çeper, gepe-gürrüňe ökde. *Dilewar adam. Sen haçandan bäri beýle dilewar bolduň!* (B. Pürliýew).

**DILEWARLYK** [dilewa:rlyk], *at.* Çeper geplemegi başarmaklyk, gepe çeperlik, gepe-gürrüňe ökdelik. *Garrynyň dilewarlygy oturanlary haýran galdyrdy* (G. Kulyýew).

**DILEÝIŞ**, *iş ady.* Dilemek ýagdaýy.

**DILÄBERMEK** [dilä:vermek], *işl.* Diläp başlamak.

**DILGIR** [dilği:r], *syp.* Maksadyna ýetip bilmän göwni galan, nägile, närazy; gamgyn, tukat. *Sen hemişe dilgir bolup ýörsüň.*

**DILGIRLIK** [dilği:rlik], *at.* Göwni galanlyk, nägilelik, närazylyk; gamgynlyk, tukatlyk. *Dilgirlik edip dünýeden ötmekden ýaman zat ýok.*

**DILHATY**, *at.* Bir zada boýun bolup ýazylyp berilýän hat. *Hoşly molla goltugyny sermendi we çekilen goly tassyk edilip, möhür basylan dilhatyny görkezdi* (A. Gowşudow).

**DILIBERMEK** [dilivermek], *işl.* Dilip başlamak, dilip ugramak.

**DILIGYSGA** [diliğy:sğa], *syp.* Bir sebäbe görä edilen hormatyň hötdesinden gelip bilmedik, etmeli, bitirmeli isini bitirip bilmedik. *Senem diligysga etmeris* (H. Meläýew).

**DILIGYSGALYK** [diliğy:sğalyk], *at.* Diligysga bolmaklyk.

**DILIK**, *syp.* **1**. Kesilip ýa-da ýyrtylyp dilnen, kesik. *Onuň penjeginiň syýy dilikdi.* **2**. Haýwanlaryň gulagy kesilip edilýän bellik, tagma.

**DILIK-DILIK**, *syp.* Ençeme ýeri dilnen, dilim-dilim bolan, ýirik-ýirik. *Onuň egnindäki dony dilik-dilik bolupdyr.*

**DILIKELTELIK**, *at, ser.* **Diligysgalyk**.

**DILIM**, *at.* Dilnip ýa-da kesilip alnan bölek (gawun, garpyz we ş.m. hakynda). *Oturyň, iň bolmanda bir dilim gawun iýip gidiň!* (B. Pürliýew).

**DILIM-DILIM**, *syp.* **1**. Dilnen, kesim-kesim, ýaryk-ýaryk edilen. *Onuň endamy dilim-dilimdi.* **2**. Birnäçe dilim edilen, dilimlenen.

**DILIMLEME**, *iş ady.* Dilimlemek ýagdaýy.

**DILIMLEMEK**, *işl.* Pyçak bilen dilip, böleklere bölmek, dilim-dilim etmek. *Okuwçylar Baba aganyň dilimläp beren gawunlaryny iýmäge oturdylar* (N. Esenmyradow).

**DILIMLEMEKLIK**, *iş ady.* Dilimlemek ýagdaýy.

**DILIMLENMEK**, *işl.* **1**. Pyçak bilen kesilip, dilimlere bölünmek, dilim-dilim edilmek. *Kak edilmek*

*üçin dilimlenen gawunlar gamşyň üstünde güne serlip goýlupdyr.* **2**. Özüň üçin dilimlemek.

**DILIMLEŞDIRMEK**, *işl.* Gawuny, garpyzy bir ýan ujundan dilimläp çykmak. *Kak sermek üçin gawunlary dilimleşdirmek.*

**DILIMLEŞMEK**, *işl.* **1**. Dilimlemäge kömekleşmek. **2**. Bilelikde dilim-dilim edip kesmek. *Eneli-gyz kaklyk gawunlary dilimleşip otyrdylar*.

**DILIMLETMEK**, *işl.* Dilim-dilim etdirip kesdirmek, dilip bölekletmek. *Gözel eje kak serdirjek gawunlaryny çagalaryna dilimletdi.*

**DILIMLEÝIŞ**, *iş ady.* Dilimlemek ýagdaýy.

**DILIMLÄBERMEK** [dilimlä:vermek], *işl.* Dilimläp başlamak.

**DILINMEK**, *işl.* **1**. Dilim-dilim bolmak, dilik emele gelmek, ýirilmek. **2**. Özüň üçin dilmek. *Iýjek gawunyny dilindi.*

**DILIŞ**, *iş ady.* Dilmek ýagdaýy.

**DILIŞDIRMEK**, *işl.* Bir ýan ujundan dilim-dilim edişdirmek, dilip çykmak. *Badamjanyň daşyny artyp, ony uzynlygyna dilişdirmeli.*

**DILIŞMEK**, *işl.* Dilim-dilim edişmek, dilmäge kömekleşmek. *Kak sermek üçin gawun dilişmek.*

**DILKAW** [dilka:w], *at.* **1**. Bir zadyň insizje uzyn bölegi. *Dargady pikiri, söz ýok dilinde, Sandyraýar dilkawja kagyz elinde* (A. Kekilow). **2**. Uzalyp giden insizje ýer zolagy. *Deryanyň çep kenarynda uzyn dilkaw baglyk, tokaýlyk bar.*

**DILLENDIRMEK** [dillennirmek], *işl.* Bir zat barada aýdyp bilmän ýören pikirini mälim etdirmek, söz açdyrmak, gepletmek. *"Ýagşy söz ýylany hinden çykarar" diýen nakyla görä, olary mylaýym söz bilen ýüze çykarmak ýa-da görnetin nähak işi gözlerine görkezip, dillendirmek mümkin* (B. Kerbabaýew).

**DILLENIBERMEK** [dillenivermek], *işl.* Dillenip başlamak, dillenip ugramak.

**DILLENIŞ**, *iş ady.* Dillenmek ýagdaýy.

**DILLENME**, *iş ady.* Dillenmek ýagdaýy.

**DILLENMEK**, *işl.* Bir zat barada söze başlamak, gepläp başlamak. *Aýna göwünsiz ýylgyrdy, ikirjiňlendi, kynlyk bilen dillendi* (B. Kerbabaýew).

**DILLENMEKLIK**, *iş ady.* Dillenmek ýagdaýy.

**DILLEŞIK**, *at.* **1**. Biri bilen bir zat barada öňünden anyk pikire gelmeklik, pikiriňi bir ýere jemlemeklik, wadalaşyk. **2**. Gizlin ylalaşyk, gizlin wada, dildüwşük.

**DILLEŞIKLI**, *syp.* **1**. Biri bilen bir zat barada öňünden anyk pikire gelnen, wadalaşylan, gepleşilen, gepleşikli. *Siziň hemmäňiz dilleşikli.* **2**. Gizlin ylalaşylan, wadalaşykly. *Elbetde, siz ozaldan dilleşiklisiňiz.*

**DILLEŞIKLILIK**, *at.* Dilleşikli bolmaklyk.

**DILLEŞIKSIZ**, *syp.* Dilleşikli bolmadyk, dilleşikli däl. *Dilleşiksiz hereket etmek.*

**DILLEŞIKSIZLIK**, *at.* Dilleşikli bolmazlyk, dilleşikli dällik.

**DILLEŞME**, *iş ady.* Dilleşmek ýagdaýy.

**DILLEŞMEK**, *işl.* **1**. Biri bilen öňünden maslahatlaşyp, belli bir ylalaşyga gelmek, agyz birikdirmek, öňünden gepleşmek. *Ikimiz dilleşip, şu ýanlara gaýtdyk* (B. Seýtäkow). **2**. Gizlin ylalaşmak, wadalaşmak. *Gaýynlarym dilleşip, köne däbe eýerdi* (B. Kerbabaýew). *Bu iş barasynda molla Hoşly ozal daýysy bilen pugta dilleşen bolmaga çemeli* (A. Gowşudow).

**DILLEŞMEKLIK**, *iş ady.* Dilleşmek ýagdaýy.

**DILLI**, *syp., göç.m.* Geplegen; bir zat diýdigiň gaýtargy berjek bolup duran , dili duzly. *Ol gyz gaty dillidir, seniň deňiň däldir.*

◊ **Dilli tüýdük** dil açylyp ýasalan gamyş tüýdük. *Küren obany dilli tüýdügiň owazy gaplady.*

**DILLI-DILEWAR** [dilli-dilewa:r], *syp., gepl.d.* Aýtjak sözüni aýdyp bilýän, dile çeper (kinaýa äheňli). *Bolduň meniň başyma dilli-dilewar*.

**DILLIJE**, *syp., göç.m.* Geplemsek, bir zat diýseň, gaýtargy berjek bolup duran (kiçijik çagany söýgi bilen sypatlandyrýan söz). *Maýajyk dillije, dogumlyja çaga* (B. Annageldiýew).

**DILLILIK**, *at.* Geplegenlik; dili duzlulyk, bir zat diýilse, gaýtargy berjek bolup duran gylykly bolmaklyk. *Onuň dillilikden gören peýdasy ýokdy*.

**DILMAÇ** [dilma:ç], *at.* Bir dilde geplenýän gepleşigi başga dile geçirýän adam, dilden terjime edýän adam, terjimeçi. *Ahyry ol öz gyzy Serwijany dilmaç edinip habarlaşdy* ("Görogly").

**DILMAÇLYK** [dilma:şlyk], *at.* Dilmajyň käri, ýagdaýy. *Häzir bolsa ony dilmaçlykda ulanýarlar* (A. Gowşudow).

**DILME** **1**. *iş ady.* Dilmek ýagdaýy. **2**. *at.* Gyzyl balygyň etinden uzyn zolak edilip dilnip, kakadylyp taýýarlanýan iýmit.

**DILMEK**, *işl.* **1**. Dilim-dilim etmek, kesik-kesik etmek, kesmek. *Ol hyýarlary dilip duz berdi.* **2**. Dilik açmak, ýirmek. **3**. *göç.m.* Agyrtmak, gyýyldyrmak.

**DILMEKLIK**, *iş ady.* Dilmek ýagdaýy.

**DILSIZ**, *syp.* **1**. Gepläp bilmeýän, lal. **2**. *göç.m.* Az gepleýän, geplemsek däl, ýuwaş.

◊ **Dilsiz ýagy** tebigy betbagtçylyk.

**DILSIZ-AGYZSYZ** [dilsiz-ağyssyz], *syp., ser.* **Dilsiz 2**. *Dilsiz-agyzsyz adam.*

**DILSIZLIK**, *at.* **1**. Gepläp bilmezlik, lallyk. **2**. Az geplilik, ýuwaşlyk.

**DILŞAT** [dilşa:t], *at.* **1**. *kön.s.* Köňül şatlygy. *Magşuklaryň dilşady sen* (Talyby). **2**. Gyza dakylýan at.

**DIM-DIK**, *syp.* Örän dik, gös-göni, dik duran; syh-syh.

**DIN** [di:n] **I**, *at.* Tebigatdan daşary güýçleriň (hudaýyň, ruhuň) barlygy baradaky düşünjeleriň jemi. *Yslam dini.*

◊ **Din duşman** iň erbet, howply duşman. *Ol meniň din duşmanym* (B. Kerbabaýew). **Dinden çykmak** diniňi inkär etmek. *Dinden çyksaň çyk, ilden çykma* (Atalar sözi). **Dinden çykan** adamkärçiligini ýitiren, erbet. – *Dinden çykan bolmasaň, adamlary beýle ýigrenmezdiň.* **Dini başga** haýsydyr bir ýakyn garyndaşlyk gatnaşygy bolmadyk adamlara içi ýylaman, ynanman, olardan özüni aýry tutmak,

**DIN** [di:n] **II**, *at.* Işilen ýüpüň, sapagyň we ş.m. bir gaty. *Ýüpüň iki dini üzülip, bir dini galypdyr.*

**DIN-ADAT** [di:n-a:dat], *at.* Dine, adata degişli bolan däp-dessurlar.

**DINÇI** [di:nçi], *at, ser.* **Dindar**.

**DINDAR** [di:nna:r], *syp.* Dine ynanýan, hudaýa ynanýan we dini urp-adatlary berjaý edýän, dinçi.

**DINDARLYK** [di:nna:rlyk], *at.* Dine ynanmaklyk we urp-adatlary berjaý etmeklik.

**DINI** [di:ni], *syp.* Dine mahsus bolan, dine degişli bolan. *Dini garaýyş. Dini ynanç. Dini mekdep.*

**DIN-IMAN** [di:n-i:ma:n], *at.* Dini ynanç.

**DINSIZLIK** [di:nsizlik], *at.* Dine ynanmazlyk, dini inkär etmeklik.

**DIN-ŞERIGAT** [di:n-şeri:ğat], *at.* Din we dini adatlar, şerigat.

**DIŇ I**, *at.* Gözegçilik etmek ýa-da bellik, nyşan üçin salnan, dikeldilen dürli beýiklikdäki minara. *Bir diňiň içine gabalan iki oýnam mergen asyl el berenokdy* (H. Ysmaýylow).

**DIŇ II: diň arkan serrelmek (gaýtmak)** arkanlygyna ýykylmak. *Pökgi wala diň arkan serrelip, agdarylan pyşdyla döndi* (B. Kerbabaýew). **Diň göge galmak** dogry ýokary göterilmek, dik asmana ýönelmek, örän ýokary göterilmek. **Diň (ör) gökden gelmek** örän geň galmak, bir hili bolmak, allaniçigsi bolmak. *Gördüňmi, Ýaltamyrat, oka diýilse, diň gökden gelerdiň* (H. Ysmaýylow). **Diň salmak** diňlemek, gulak asmak. *Gapydan aýak sesi gelerine diň salyp oturyşlaryna, çaýlaryny içip gutardylar* (N. Saryhanow).

**DIŇÇI I**, *at.* Diňiň üstüne çykyp, garawulçylyk çekýän adam, garawul.

**DIŇÇI II**, *at, ser.* **Diňleýji 1**.

**DIŇÇI III**, *at.* **1**. *ser.* **Diňleýji**. *Bagşynyň diňçisi durdugyça köpelip, ägirt çynaryň saýasy bütin töweregi bilen dolupdy* (B. Kerbabaýew). **2**. Iliň gepini, gürrüňini diňläp ýören şugulçy, gara habarçy. *Patyşanyň diňçisi üç doganyň bu saparky bolşuny hem patyşa baryp aýdýar* ("Hutdy Humar").

**DIŇDIRIBERMEK** [diňdirivermek], *işl.* Diňdirip başlamak.

**DIŇDIRIŞ**, *iş ady.* Diňdirmek ýagdaýy.

**DIŇDIRME**, *iş ady.* Diňdirmek ýagdaýy.

**DIŇDIRMEK**, *işl.* Aglamagyny goýdurmak, aglamagyny bes etdirmek. *Ol çaganyň elinden tutup, "jigim-jigim" diýip, ony diňdirdi* (B. Annageldiýew).

**DIŇDIRMEKLIK**, *iş ady.* Diňdirmek ýagdaýy.

**DIŇDIRMEZLIK**, *iş ady.* Aglamagyny goýdurmazlyk, bes etdirmezlik. *Ejiz bolup aglasaň, Ataň seni diňdirmez* (A. Atabaýew).

**DIŇE**, Ýeke, ýeke-täk, ýeke bir. *Men teatra diňe seniň bilen gitjek.*

**DIŇIBERMEK** [diňivermek], *işl.* Diňip başlamak, diňip ugramak.

**DIŇIRGEME** [diňirğeme], *iş ady.* Diňirgemek ýagdaýy.

**DIŇIRGEMEK** [diňirğemek], *işl.* Bir zat hakda böwrüňi diňlemek, içiňden pikir etmek. *Artyk atynyň başyny çekdi, diňirgedi* (B. Kerbabaýew).

**DIŇIRGEMEKLIK** [diňirğemeklik], *iş ady.* Diňirgemek ýagdaýy.

**DIŇIRGENIBERMEK** [diňirğenivermek], *işl.* Diňirgenip başlamak.

**DIŇIRGENIŞ** [diňirğeniş], *iş ady.* Diňirgenmek ýagdaýy.

**DIŇIRGENIŞMEK** [diňirğenişmek], *işl.* Bir zat barada böwrüňi diňleşip durmak, pikirlenişmek. *Ikisi hem diňirgenişip durdular.*

**DIŇIRGENME** [diňirğenme], *iş ady.* Diňirgenmek ýagdaýy.

**DIŇIRGENMEK** [diňirğenmek], *işl.* Bir zat hakynda neneň, niçik bolýar diýip böwrüňi diňlemek, pikirlenmek.

**DIŇIRGENMEKLIK** [diňirğenmeklik], *iş ady.* Diňirgenmek ýagdaýy.

**DIŇIRGEÝIŞ** [diňirğeýiş], *iş ady.* Diňirgemek ýagdaýy.

**DIŇIRGÄBERMEK** [diňirğä:vermek], *işl.* Diňirgäp başlamak.

**DIŇIŞ**, *iş ady.* Diňmek ýagdaýy.

**DIŇIŞMEK**, *işl.* **1**. Ýagşyň, garyň we ş.m. ýagmasy kem-kemden kesilmek. *Ýarygijeler başlan çabga daňdana golaý diňişdi.* **2**. Ses, galmagal we ş.m. zatlar ýatyşmak. *Bazaryň irki gowry soňabaka diňişdi.*

**DIŇLEME**, *iş ady.* Diňlemek ýagdaýy.

**DIŇLEMEK**, *işl.* **1**. Gulak salmak, üns bilen eşitmek. *Aýdym-saz diňlemek.* **2**. Biriniň aýdan sözlerine gulak salmak, beren maslahatyny almak. *Nesihat diňleseň, äriň äri sen, Almasaň nesihat, köpüň biri sen* (Magtymguly).

**DIŇLEMEKLIK**, *iş ady.* Diňlemek ýagdaýy.

**DIŇLEMEZLIK**, *iş ady.* **1**. Aýdylýan sözi eşitjek bolmazlyk. *Habarlary diňlemändigime gynanýan.*

**2**. Biriniň aýdan sözlerine gulak salmazlyk, beren maslahatyňy almazlyk. *Ol ene-atasyny diňlemän, nä günlere uçrady.*

**DIŇLENMEK**, *işl*. **1**. Gulak asylmak, aýdylan zat eşidilip oturylmak. **2**. Gizlinlikde gulak asylmak, diň salynmak. **3**. *göç.m.* Berilýän maslahata gulak salmak, ol makul görülmek.

**DIŇLETMEK**, *işl*. **1**. Birini diňlemäge mejbur etmek, diňlemäge mümkinçilik bermek, birine diňlemek işini etdirmek; gulak asdyrmak, aýdylan zady eşitdirip oturmak. **2**. Gizlin gulak saldyrmak, diň saldyrmak.

**DIŇLEÝIŞ**, *iş ady.* Diňlemek ýagdaýy.

**DIŇLEÝJI**, *at*. **1**. Edilýän gürrüňi, radiony, konserti we ş.m. diňleýän adam. *Aýdyjy akmak bolsa, diňleýji dana gerek* (Nakyl*)*. **2**. Käbir ýörite okuw mekdeplerinde: okuwçy, talyp. *Ýörite okuw mekdebiniň diňleýjileri*. **3**. Hünäri boýunça gysga möhletleýin okuwa gatnaşyp, bilimini kämilleşdirýän hünärmen. *Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjisi.*

**DIŇLÄBERMEK** [diňlä:vermek], *işl*. Diňläp başlamak.

**DIŇME**, *iş ady.* Diňmek ýagdaýy.

**DIŇMEK**, *işl*. **1**. Aglamagy bes etmek, kesmek, sesini goýmak. *Çaganyň özi aglap, özi diňipdir.* **2**. Ýagyn ýagmasy kesilmek. *Emma ýagyş diňer ýerde diňmedi* (G. Kulyýew). **3**. *gepl.d.* Ses, gykylyk we ş.m. ýatmak. *Saz-söhbetler diňdi* (N. Pomma).

**DIŇMEKLIK**, *iş ady.* Diňmek ýagdaýy.

**DIŇMEZLIK**, *iş ady*. **1**. Aglamagyny bes etmezlik, sesini goýmazlyk. *Çagajyk diňmän aglady.* **2**. Ýagyn ýagmasy kesilmezlik. *Ýagyş agşama çenli diňmedi*.

**DIŇŞIR** [diňşi:r], *at, sazç.* Saz seslerini dogry kabul edijilik we täzeden berip bilijilik ukyby. *Onuň sesi gowy welin, diňşiri ýok, diňşiri bolmasa-da, bagşy bolýarmy näme?*

**DIŇŞIRGEME** [diňşirğeme], *iş ady.* Diňşirgemek ýagdaýy.

**DIŇŞIRGEMEK** [diňşirğemek], *işl*. **1**. Bir ýerden çykýan sesi aňşyrjak bolup diňlemek, diň salmak. *At sakga durdy-da, gulaklaryny keýkerdip diňşirgedi.* **2**. Bir hili böwrüni diňleýän, geňirgenýän ýaly bolmak. *Ol ýüzüni aşak saldy-da diňşirgedi* (T. Gurbanow).

**DIŇŞIRGENIŞ** [diňşirğeniş], *iş ady.* Diňşirgenmek ýagdaýy.

**DIŇŞIRGENIŞMEK** [diňşirğenişmek], *işl.* Birnäçe bolup diňşirgenmek. *Oturanlar aýak sesini eşidip diňşirgenişdi.*

**DIŇŞIRGENME** [diňşirğenme], *iş ady.* Diňşirgenmek ýagdaýy.

**DIŇŞIRGENMEK** [diňşirğenmek], *işl., ser.* **Diňşirgemek**. *Ogulşirin eje diňşirgenip durdy-da: – Bor, Rejep! "Il oňlasa, atyňy soý"diýipdirler. Ýöne Amanmyrat janyň ýaňy alty ýaşy doldy. Öz çagaň ýaly göz-gulak bolarsyň-da!* ("Türkmen dili").

**DIŇŞIRGEŞMEK** [diňşirğeşmek], *işl., ser.* **Diňşirgenişmek**. *Oturanlar diňşirgeşdiler*.

**DIŇŞIRGETMEK** [diňşirğetmek], *işl*. Diňşirgemäge mejbur etmek. *Gulagyna degen habar ony diňşirgetdi.*

**DIŇŞIRGÄBERMEK** [diňşirğä:vermek], *işl*. Diňşirgäp başlamak, diňşirgäp ugramak.

**DIPLOM** [diplo:m], *at.* Ýokary ýa-da ýörite orta mekdebi gutaranlygy, şeýle-de ylmy adyň dakylandygy, alymlyk derejesiniň berlendigi hakynda resmi şahadatnama.

**DIPLOMAT** [diploma:t], *at*. **1**. Daşary ýurt döwletleri bilen aragatnaşyk etmek üçin hökümet tarapyndan wekil bellenen wezipeli adam. **2**. *göç.m.* Başga adamlar bilen bolan aragatnaşykda örän başarjaňlyk, ugur tapyjylyk bilen hereket edýän adam.

**DIPLOMATIK** [diploma:tik], *syp.* Diplomatiýa degişli; diplomatiýa mahsus.

◊ **Diplomatik çapar** daşary işler pudagyna degişli edaranyň diplomatik poçtasyny gatnadýan wezipeli adam. **Diplomatik dereje (rang)** diplomatlara dakylýan aýratyn at. **Diplomatik korpus** hökümetiň diplomatlarynyň jemi.

**DIPLOMATIÝA** [diploma:tiýa], *at.* Döwlet edaralarynyň daşary syýasat ugrundan alyp barýan işi. **2**. Daşary döwletler bilen geçirilýän gepleşiklerde we gatnaşyklarda ulanylýan usullaryň we tärleriň jemi.

**DIPLOMATLYK** [diploma:tlyk], *at*. Diplomatyň käri, wezipesi.

**DIPLOMÇY** [diplo:mçy], *at.* Diplom işini ýerine ýetirýän talyp (student).

**DIPLOMLY** [diplo:mly], *at.* Diplomy bar bolan. *Diplomly adam.*

**DIREG** [di:reğ], *at.* **1**. Diräp söýget etmek üçin peýdalanylýan agaç we ş.m. serişdelerden edilýän pürs. *Käwagtlar bolsa güýçli gomlar demir direglere urup durýar* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Ýelden gorap saklamak üçin gara öýüň tüýnügine direlýän ujy haçjaly uzyn agaç. *Ol diňe öýüň içinden tüýnügine direg urup, gurumlap giden tüýnük ýüpden asylýardy* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç.m.* Arkadaýanç, arka, arkadag, daýanç, goldaw. *Aýal diýilýän zat dünýäniň diregi, Aýal diýilýän zat ömrüň şaýoly* (K. Gurbannepesow).

**DIREGLIK** [di:reğlik], *syp.* Direg etmek, direg ýasamak üçin ýaramly agaç we ş.m. zat. *Direglik agaç*.

**DIREKTOR** [dire:ktyr], *at*. Edaranyň, kärhananyň ýa-da ylmy-barlag institutynyň ýolbaşçysy.

**DIRELIŞ** [di:reliş] **I**, **II**, *iş ady.* Direlmek ýagdaýy.

**DIRELME** [di:relme] **I**, **II**, *iş ady.* Direlmek ýagdaýy.

**DIRELMEK** [di:relmek] **I**, *işl*. **1**. Jan gelmek, jan girmek, janlanmak (janly zat hakda). *Ölüler direlip, arza bardylar, Hakdan bir kelamny ýörüp sordular* (Magtymguly). **2**. Öňki katdyna gelmek, öňki derejesine ýetmek, dikelmek. **3**. *göç.m.* Bir işi ýerine ýetirmekde aýak üstüne galmak, ruhlanmak, janlanmak.

**DIRELMEK** [di:relmek] **II**, *işl*. **1**. Direg bolmak, söýget bolmak; direg edilmek, söýget edilmek, daýalmak, söýelmek. *Teläriň ortasyndan agaç pürs direlipdir*. **2**. Bir zadyň ujy ikinji bir zada degip durmak, baryp degmek, dürtülmek. *Bir ýany gaýa direlip salnan kiçijik tamlary gördüm* (A. Gowşudow). **3**. Nazary düşmek, göz öňüne gelmek. Artygyň *gözüniň öňüne birdenkä üýtgeşik bir ýagdaý gelip direldi* (B. Kerbabaýew).

**DIRELMEKLIK** [di:relmeklik], *iş ady*. Direlmek ýagdaýy.

**DIRELTMEK** [di:reltmek], *işl*. **1**. Jana getirmek, jansyza jan bermek, janlandyrmak. *Ölini direlder şirin sözleriň* (Mollanepes). **2**. Bir işi ýerine ýetirmekde ruhlandyrmak, janlandyrmak. **3.** Öňki derejesine ýetirmek, öňki kaddyna getirmek, dikeltmek. *Ata-babalarymyzyň ruhuny täzeden direltdik.* **4.** Agyr keselden gutarmak, bejermek, sagaltmak, aýak üstüne galdyrmak.

**DIREME** [di:reme], *iş ady*. Diremek ýagdaýy.

**DIREMEK** [di:remek], *işl*. **1**. Bir zady saklamak üçin direg, söýget goýmak, paýa urmak. *Nazar, hany hanym, sen şuny dire!* (B. Kerbabaýew). **2**. Söýenmek, direnmek üçin eliňi ýa-da başga bir ýeriňi ikinji bir zada ýaplamak. *Tamyň gapysynda ýatan Nabat eje ýassykdan başyny galdyrdy-da, gapdalynda ýatan Merede gözüni aýlap, iki tirsegini ýassyga diredi* (A. Durdyýew). **3**. Meseläniň ahyrky çözgüdi birine ýa-da bir zada bagly bolmak. *Indi hemmesi maňa dirän bolsa, men tarapdan arkaýyn bol-da, ýumşuň bitdigi hasap ediber.* **4**. *göç.m.* Örän ýakyn aralykdan çenemek, gezemek. *Duşman özüniň ganly hanjaryny watanyň bagryna dirän wagty, gorkunç howpuň watanyň üstüne abanan wagty Wepa ýaly gujurly ýigitler, heý, durup bilermi?* (A. Gowşudow).

**DIREMEKLIK** [di:remeklik], *iş ady*. Diremek ýagdaýy.

**DIRENIBERMEK** [di:renivermek], *işl*. Direnip başlamak.

**DIRENIŞMEK** [di:renişmek], *işl*. **1**. Birnäçe bolup direnmek. **2**. Ýumşa gaýym, taýýar bolup durmak. *Ata-enesi bolmasa-da, süýtdeş aýal dogany, direnişip duran doganoglanlary bar* ("Edebiýat we sungat").

**DIRENME** [di:renme], *iş ady*. Direnmek ýagdaýy.

**DIRENMEK** [di:renmek], *işl*. **1**. Söýget üçin eliňi ýa-da başga bir ýeriňi bir zada urmak, söýget edinmek, ýaplanmak. **2**. Bir zada ýakyn gelip durmak. *Ýowuz düşen göwre kime direner* (Magtymguly). **3**. Dikelip durmak, somalyp durmak. *Näme, beýdip direnip dursuň?* **4**. *Direnmek* işliginden soň *durmak* işligi gelip, taze many öwüşgini bolan düzümli işlik ýasalýar: **Direnip durmak** dik durmak; kömek etjek bolup durmak, kömege taýýar bolup durmak. *Kömege ýetiş diýäýer ýaly, meniň direnip duran doganymam-a ýok*.

**DIRETMEK** [di:retmek], *işl*. Bir zady saklatmak üçin söýeg goýdurmak, direg etdirmek, söýget bolar ýaly agaç goýdurmak. *Öýe direg diretmek.*

**DIREÝIŞ** [di:reýiş], *iş ady*. Diremek ýagdaýy.

**DIRÄBERMEK** [di:rä:vermek], *işl*. Diräp başlamak.

**DIRHEM**, *at, gepl.d.* Takmynan, 3-4 grama deň bolan göwrüm ýa-da agyrlyk ölçegi. *Ýakmaz bir zat iýlip, aşgazan zäherlenende, gawun biýarasynyň köküni iki dirhem çakyra goşup içseň gaýtardýar* ("Saglyk").

**DIRI** [di:ri], *syp*. **1**. Janly, öli bolmadyk, öli däl. *Eger-de düýekeşlerimiz obada bolsa, ýa öldürerler, ýa ölerler, emma gyzy diri berip goýbermezler* (H. Derýaýew). **2**. Owradylmadyk, üwelmedik, bitin. *Garnyny ýaryp görseler, içinde bugdaý däneleri dirije duran eken* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Tüýs, edil, misli, bütinleý. *Kakasynyň diri özi*. **4**. Bişip ýetişmedik, çala ýumşan. *Şindi palawyň tüwüsi diri.*

◊ **Diri akmak (samsyk)** barypýatan akmak, samsyk. **Diri ýakmak 1)** diriligine ýakmak. **2)** birini örän gynandyrmak, görgä goýmak, birine hasrat çekdirmek. *Daşoguzdan gaçyp geldik, Meni diri ýakdy çatma* (Durdy Gylyç).

**DIRIŽÝOR** [dirižo:r], *at*. Üýşüp saz çalýanlaryň, aýdym aýdýanlaryň toparyny, opera we balet oýunlaryny ugrukdyryjy adam.

**DIRILIK** [di:rilik], *at*. **1**. Janlylyk, öli dällik. **2**. *göç.m.* Ýaşaýyş, durmuş, ömür.

**DIRILTMEK** [di:riltmek], *işl. ser.* **Direltmek.**

**DIRINIKLENMEK** [di:rniklenmek], *işl*. Gowuşgynsyz bolman, janlanmak, janlyrak hereket etmek. *Seniňem diriniklenip, gün-güzeranyňy dolanyňy görsemdim.*

**DIRINIKLI** [di:rnikli], *syp*. Edenli, girinjeli, başarnykly, ýapyşan işini oňarýan. *Ol, tüweleme, gaty dirinikli oglan.*

**DIRIŇ-DIRIŇ: diriň-diriň bökmek** belli bir sebäbe görä (gynanç, agyry, şatlyk we ş.m. sebäpli), duran ýeriňde çalt-çalt ýokaryk bökmek. *Oklaryň jyssyldysyna çydaman, diriň-diriň böküän Meleguş yzyna bakan serpdi* (B. Kerbabaýew).

**DIRKILLEMEK**, *işl*. Dogumly, çalt ýöremek. *Sen dirkilläp ýörkägem-ä gerek ekeniň welin, garrylygymda-da gerek ekeniň* (B. Hudaýnazarow).

**DIŞ** [di:ş], *at.* **1**. Iýmiti dişläp almak, çeýnäp iýmek üçin agyzda ýerleşýän ownukly-irili süňkler. *Dil – bela, diş – gala* (Nakyl). *Onuň hünji dek düzülen dişleri ak sadap ýaly ýyldyrardy* (A. Gowşudow). **2**. Gurallaryň, maşyndaky bölekleriň we ş.m. dişelen kertik-kertik ýeri. *Oragyň dişi. Byçgynyň dişi. Çarhyň dişi.*

◊ **Dişi döwülmek** çala ýylamak (gyzdyrylýan suw hakynda). *Görse ne duz atylypdyr, ne beýleki, diňe çigit ýagyň ysy çykan dişi döwlen duruja suw* (Ö. Abdyllaýew). **Dişinde et galmak** bolmasy iş edip, hiç hili garaw görmänsoň, barha gylawlanmak, edenine däl diýilmänsoň, ýaman öwrenmek. *Indi biz Nişapur patyşasynyň eden emelinden ökderäk oýun görkezmesek, onuň dişinde et galar-da, birsyhly üstüňe sürner durar* ("Görogly"). **Dişine kakmak** gaýtawul bermek, ýok etmek, merkini bermek. *Ýola gelmejek bolsa, dişine kakmaly* (T. Taganow). **Dişini damagyna ibermek** berk urmak, ýençmek. *Men çopan bolup, senem it bolsaň, tazygan goýna küşgüremde, baryp alkymyndan almasaň, seniň edil dişiňi damagyňa ibererin* (B. Kerbabaýew). **Dişini dökmek** azap bermek, azar ýamanyny görkezmek. *Bu oý bizi halys garratdy*, *dişimizi dökdi* (A. Gowşudow). **Dişiňi çalmak 1)** ukuda dişleriňi gysyp gyjyrdatmak. *"Mäm...mäm... ejem dogry aýdýar, ýamanam bolsa bolar, mäm...mäm" diýip, yzyndan dişlerini çalyp, beýlesine agdarylyp ýatdy* (A. Durdyýew). **2)** bir zadyň arzuwynda bolmak. **Dişiňi çarhlamak** bir zada hyjuwly taýýarlyk görmek. **Dişiňi gyjamak** biri ýa-da bir zat barasynda ahmyr etmek; gazaplanmak. *Kimsi agzyna geldiginden gargynýardy, kimsi ýumrugyny düwüp, dişlerini gyjap, haýbat atýardy* (G. Kulyýew). **Dişiňi gysmak** diýesiň gelse-de, hiç zat diýmän, içiňi hümledip ýörmek, çydam etmek. *Sen beri öz hetdiňi tanap, dişiňi berk gysyp otursaň bolmaýarmy?* (B. Kerbabaýew). **Dişiň kirini açmazlyk** ertirden bäri zat iýmezlik. *Ertirden bäri dişimiň kirini açmaga maý bolmady*. **Dişi ötmezlik** batyrynyp bilmezlik. – *Hydyr arçyn, biz it hem bolsak, goýun itidiris: öz sürimizi dalamaga dişimiz ötmez!* (B. Kerbabaýew). **Dişi ýylgyrmazlyk** gaýgy-hasratdan çykyp bilmezlik. *Öz deňi-duşuny görüp, şolaryň arasynda ömür dişi ýylgyrmasa, ana jeza şonda bolar* (H. Derýaýew). **Diş toýy** çaga ilkinji diş çykanda tutulýan toý. **Her dişinde bir gülki** çendenaşa gülegen adam häsiýetlendirilende aýdylýan aňlatma. – *Ol gelniň her dişinde bir gülki, nämä böwregi bökýärkä?*

**DIŞARA** [di:şa:ra], *syp., dil. b.* Ýokarky alyn dişleriň iç tarapy bilen dil ujunyň arasynda hasyl bolan ýasy yşgalaňly çekimsiz. Meselem: *s, z* sesleri dişara çekimsizlerdir.

**DIŞ-DIŞ** [di:ş-di:ş], *syp.* Kertik-kertik edilen, hatara diş görnüşinde bolan. *Diş-diş nabat.*

**DIŞ-DODAK** [di:ş-do:dok]**: diş-dodak çekimsizleri** aşaky dodagyň ýokarky dişlere ýakynlaşmagy bilen hasyl bolýan çekimsizler. Meselem: *f* sesi diş-dodak çekimsizidir.

**DIŞDÜÝBI** [di:şdüývü]**: diş düýbi sesler** dil ujunyň ýokarky alyn dişleriň iç tarapyna degmegi ýa-da ýakynlaşmagy bilen hasyl bolýan sesler. Meselem: *t, d, n, l, r, ž, j, ç, ş* sesleri dişdüýbi seslerdir.

**DIŞ-DYRNAK** [di:ş-dyrnak]**: diş-dyrnak bolmak** bir işiň ugrunda görgä galmak, uly azara galmak, zähmet çekmek. *Ol mamasynyň diş-dyrnak bolup, azap baryny siňdirip geýdiren bu egin-eşigini negada bir toýda-tomguda geýip çykarýardy* (A. Gowşudow). *Durmuşda hemme zady diş-dyrnak bolup, çekeleşip almalydyr* (B. Seýtäkow).

**DIŞELGI** [di:şelği], *syp.* Ýüzi diş-diş edilen, diş çykarylan, dişleri ýiteldilen (orak, byçgy we ş.m. hakynda). *Oraklaryňyz dişelgi bolsun, bedewleriňiz eýerlengi* ("Türkmenistan").

**DIŞELMEK** [di:şelmek], *işl.* Ýüzi diş-diş edilmek, diş çykarylmak, dişleri ýiteldilmek (orak, byçgy we ş.m. hakynda). *Ussa dişelen oraklary tamyň böwrüne oklaşdyrdy.*

**DIŞEME** [di:şeme], *iş ady.* Dişemek ýagdaýy.

**DIŞEMEK** [di:şemek], *işl.* **1**. Oragyň we ş.m. ýüzüni ýörite gural (galam) bilen diş-diş etmek. *Orak dişemek.* **2**. *göç.m.* Yz galdyrmak, yz goýmak.

◊ **Ýüzüni mama dişän** ýüzüne mama keseli degip, oýuk-oýuk yz galan.

**DIŞEMEKLIK** [di:şemeklik], *iş ady.* Dişemek ýagdaýy.

**DIŞEŞDIRMEK** [di:şeşdirmek], *işl.* Birnäçe oragy dişäp çykmak.

**DIŞETMEK** [di:şetmek], *işl.* Dişemek işini başga birine etdirmek. *Onuň ýanyna orak dişetjegem, pil ýasatjagam gelerdi* (R. Gelenow). *Ussa orak dişetmek.*

**DIŞEÝIŞ** [di:şeýiş], *iş ady.* Dişemek ýagdaýy.

**DIŞÄBERMEK** [di:şä:vermek], *işl.* Dişäp başlamak, dişäp ugramak.

**DIŞLEGEN** [di:şleğen], *at, ser.* **Dişlek**. *Bir atym bar dişlegen* (Matal: garynja).

**DIŞLEK** [di:şlek], *syp.* Agyz salyp dişleýän, dişlemäge endik eden, gapak, dişlegen. *Dişlek mal.*

**DIŞLEKLIK** [di:şleklik], *at.* Dişlegenlik, gapaganlyk.

**DIŞLEM** [di:şlem], *at.* Agza sygar ýaly, bir agza salym, bir bölejik, azajyk (çörek hakynda).

**DIŞLEME** [di:şleme], *iş ady.* Dişlemek ýagdaýy.

**DIŞLEMEK** [di:şlemek], *işl.* **1**. Bir zady dişleriň arasyna salyp gysmak. *Meňli hanym golun dişläp, Bizden ki uýat eýleýir* (Magtymguly). **2**. Agyz salyp, diş

arkaly agyrtmak, ýaralamak. *Hälki garynja muny görüp, derrew ylgap baryp, mergeniň aýagyndan dişläpdir* ("Türkmen halk ertekileri"). **3**. *göç.m.* Iýmek. *Işlemedik – dişlemez* (Nakyl).

**DIŞLEMEKLIK** [di:şlemeklik], *iş ady.* Dişlemek ýagdaýy

**DIŞLENMEK** [di:şlenmek], *işl.* **1**. Agyz salynmak, agyz salnyp, diş bilen ýaralanmak. **2**. Diş bilen bölünip alynmak, iýilmek; diş bilen tutulmak. *Kökäniň gyrasyndan dişlenipdir*

**DIŞLEŞDIRMEK** [di:şleşdirmek], *işl.* Bir zadyň birnäçe ýerinden ýa-da birnäçe zady dişläp çykmak.

**DIŞLEŞMEK** [di:şleşmek], *işl.* Biri-birini dişlemek. *Durdy çopan möjekler bilen dişleşen itleriň her haýsyna bir parça guýruk beripdir* (A. Gowşudow).

**DIŞLETMEK** [di:şletmek], *işl.* **1**. Birini dişlemäge mejbur etmek, dişlemäge mümkinçilik bermek. **2**. Agyz saldyrmak, agyz saldyryp, dişi bilen ýaralatmak, ýardyrmak. **3**. Diş bilen böldürip aldyrmak, iýdirmek; diş bilen tutdurmak.

**DIŞLEÝIŞ** [di:şleýiş], *iş ady.* Dişlemek ýagdaýy.

**DIŞLÄBERMEK** [di:şlä:vermek], *işl.* Dişläp başlamak.

**DIŞLIK** [di:şlik], *at.* Ýüň daragyň dişine geýdirilip goýulýan ýasy agaç gapak.

**DIŞSYNÇGAR** [di:şsynçğa:r], *at.* Dişiň arasynda galan iýmit galyndylaryny aýyrmak üçin ulanylýan ujy ýasyja gural, meswäk.

**DIWAL** [diwa:l]: **diwal öý** palçykdan ýasalan jaý.

**DIWAN** [di:wa:n] **I**, *at.* Oturmak hem gyşaryp ýatmak üçin arkasy söýgetli ýumşak mebeliň bir görnüşi. *Sag tarapda goýulypdyr bir diwan, Dürli gazet-žurnal seretseň her ýana* (A. Kekilow).

**DIWAN** [di:wa:n] **II**, *at,* Döwlet edarasy. *Prezidentiň diwany.*

**DIWAN** [di:wa:n] **III**, *at, edeb.* Gündogar edebiýatynda her bir şahyryň şygyrlarynyň belli bir tertip boýunça düzülen goşgular ýygyndysy. *Nowaýynyň diwany.*

**DIWANA** [di:wa:na], **1**. *at, taryh.* Gapy-gapy aýlanyp doga okap ýören. *Şol ýerde bar idi iki diwana, "Durma, oglan, onda bargyl" diýdiler* (Magtymguly). **2**. *syp.* Aşyk, akylyndan azaşan, däli, telbe. *Jemalyn görenler boldy diwana, Aga jan, Arabyň gyzyn bereýin* ("Görogly"). *Däli men, diwana men, ýar, isteýir köňlüm şony* (Balgyzyl).

**DIWANAÇYLYK** [di:wa:naçylyk], *at, ser.* **Diwanalyk**. *Diwanaçylyga-da saglyk gerek* (Atalar sözi). *Iň soňunda diwanaçylyga aýlanjak bolduňmy?* ("Görogly").

**DIWANALYK** [di:wa:nalyk], *at.* **1**. Diwananyň ýagdaýy. **2**. Aşyklyk, akyldan azaşanlyk, dälilik, telbelik.

**DIWAR** [di:wa:r], *at.* **1**. Jaýyň we ş.m. binalaryň dik galdyrylan taraplary, ganaty. *Ynha, birdenem biziň nazarymyz diwardaky görkezijide säginýär* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Haýat. *Howlynyň diwary beýikdi.*

**DIWIZIÝA** [divi:ziýa], *at, harby.* Birnäçe harby topardan ybarat bolan uly goşun birleşmesi.

**DIÝANAT** [diýa:nat], *at.* Dine ynanmaklyk, dindarlyk. *Ülkesine sütem kylsa, Dini, diýanaty gider* (Misgingylyç).

**DIÝAR** [diýa:r], *at.* Ýurt, ülke. *Garaşsyz diýarda okamak, işlemek, ýaşamak bagt!* (" Türkmenistan").

**DIÝDIMZOR** [diýdimzo:r], *syp.* Zalym, sütemkeş, zorluk edýän.

**DIÝDIMZORLUK** [diýdimzo:rluk], *at.* Zulum, sütem, zorluk.

**DIÝDIRMEK**, *işl.* **1**. Diýmäge mejbur etmek, diýmäge mümkinçilik, esas döretmek, bir zat diýmek üçin sebäp bolmak; öýtmek; bir gürrüň, mesele we ş.m. barada bir zat aýtdyrmak, "pylany diýdi" diýip aýtdyrmak. *Açlyk näme iýdirmez, dokluk näme diýdirmez* (Nakyl). *Daşyndan seredeniňde-hä bir äpet adammyka diýdirýärsiň* (B. Seýtäkow). *Öz diýmeli zadyňy näme oňa diýdirýäň?*

**DIÝIBERMEK** [diýivermek], *işl.* Diýip başlamak, diýip ugramak.

**DIÝILMEK**, *işl.* Bir gürrüň, mesele we ş.m. barada bir zat aýdylmak. – *Heý, myhmanlar! Otur diýilýär, oturyň-da! – diýip, nökerlerine ýalandan haýbat atdy* (G. Kulyýew).

**DIÝIŞ**, *iş ady.* Diýmek ýagdaýy.

**DIÝIŞDIRIBERMEK** [diýişdirivermek], *işl.* Diýişdirip başlamak.

**DIÝIŞDIRMEK**, *işl.* Birnäçe zat diýmek, aýdyşdyrmak, yzly-yzyna suňşurmak. *Ol ýoldaşy bilen elleşip hoşlaşandan soň hem säginip, ýene-de nämedir bir zatlar diýişdirdi.*

**DIÝŞME**, *iş ady.* Diýişmek ýagdaýy.

**DIÝIŞMEK**, *işl.* **1**. Biri-birine bir zatlar aýtmak. *"Soň getirip berer" diýişdiler welin, menem, ýeser ýaly, Orazdurda "Aý, bolmasa beräýsene, soň getirip berer-dä" diýip aýdaýypdyryn* (H. Derýaýew). **2**. Biri bilen sanaşmak, sögüşmek. *Iki elti köpden bäri ile syr bermän gelýän-de bolsa, ýürekde galan ululy-kiçili kinelerini saklap bilmän, ahyry diýişmeli boldular.*

**DIÝME**, *iş ady.* Diýmek ýagdaýy.

**DIÝMEK I**, *işl.* **1**. Birine bir zat aýtmak, bir zat habar bermek. *Uruş gutaranyndan soň, köp adamyň "goş birikdireli" diýenlerini ol ýadyna saldy* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *göç.m.* Hasap etmek, hasaplamak.

◊ **Diýesinem diýmek, diýmäsinem diýmek** aýtmajak sözüňi aýtmak, hapa, paýyş sözler aýtmak. *Olar biri-birine diýesinem diýip, diýmäsinem diýip, yzyndanam äbede-jüýje bolşup otyrlar.*

**DIÝMEK II**, *işl.* "Eýsem bolsa, şeýlelikde, onda" diýen ýaly netije çykarmagy, jemlemegi aňladýan giriş sözi. *Diýmek, onuň pikiri dogry bolup çykypdyr-da!*

**DIÝMEKLIK**, *iş ady.* Diýmek ýagdaýy.

**DIÝSEŇ**, "Örän" diýen manyda gelip, bir zadyň ýokary derejededigini görkezýän söz. *Bize ýaşuly işgärlerimizden öwrenere diýseň zat köp.*

**DO** [do:], *sazç*. Saz ses hatarynyň birinji sesi we şol sesi aňladýan saz belgisi.

**DODA** [do:do], *at, gepl d*. Oýnalýan ulurak aşyk.

**DODAGARA** [do:doğa:ra]**: dodagara çekimsiz sesler** aşaky we ýokarky dodaklaryň biri-birine degmegi ýa-da ýakynlaşmagy netijesinde hasyl bolýan sesler. Meselem*: f, w* sesleri dodagara çekimsiz seslerdir.

**DODAK** [do:dok], *at.* Agzyň aşaky hem ýokarky gyrasyny emele getirýän, dişleriň üstüni ýapyp duran agza, leb. *Ak ýüze dodak degende, yzy hallanar-hallanar* (Baýram şahyr).

◊ **Dodak gitdi bazara** çagajyk kemiş-kemiş edip aglajak bolanda aýdylýan durnukly söz düzümi. **Dodak sesleri** dodaklaryň gatnaşmagy bilen emele gelýän sesler. *Meselem: o, ö, u, ü, p, b* we ş.m. dodak sesleridir. **Dodak sazlaşygy** dodak sesleriniň özlerinden soň gelýän çekimlileri özi bilen sazlaşdyrmagy.

**DODAKLANDYRMAK** [do:doklonnurmok], *işl., dil b.* Dodaklaryň gatnaşmagynda emele gelýän sesi aýtmak, ýazmak. *Asyl ýa-da düýp sözlerde üçünji bogundaky çekimlini dodaklandyryp ýazmaly däl.*

**DODAKLANMA** [do:doklonmo], *iş ady.* Dodaklanmak ýagdaýy.

**DODAKLANMAK** [do:doklonmok], *işl., dil b.* Dodaklaryň gatnaşmagynda dodak sesleri emele gelmek.

**DODAKLANYŞ** [do:doklonuş], *iş ady.* Dodaklanmak ýagdaýy.

**DODAKMAN** [do:dokmon], *syp.* Uly, küti, galyň dodakly. *Dodakman adamyň gepi-gürrüňi sagdyndy.*

**DOG** [doğ]: **dog geçi** bir ýaşdan iki ýaşa çenli aralykdaky heniz guzlamadyk ýaş urkaçy geçi. *Dog geçiniň etidir, dogar aýda-da bişmez...* (Halk döredijiliginden).

**DOGA** [doğo], *hal., ser.* **Dogabitdi**. *Ol gelen atlynyň ýa doga bolşy şeýledi ýa-da aksakgallar oňa pugta tabşyrypdyrlar* (A. Gowşudow).

**DOGA** [doğa:], *at.* **1**. Yslam dininde musulmanlaryň okaýan Gurhan süreleri. *Ol dynman doga sanaýardy* (A. Gowşudow). **2**. Işan-mollalaryň dem salyp ýa-da ýazyp berýän keramatly duzy, haty. **3**. Içine şol hat, duz-kömür salnyp tikilen, köplenç, üçburç görnüşli bukjajyk. *Doga dakynmak.*

◊ **Doga etmek 1)** bir işiň şowly çykmagyny, oňat gutarmagyny arzuw etmek. **2)** jadylamak, jady etmek. *Doga edilipmi, nämemi, onuň gep-gürrüň bilen işi ýokdy.* **Doga gaplaýmaly** örän oňat, iňňän gözel, ajap. *Doga gaplaýmaly sözler. Onuň doga gaplaýmaly sözlerini diňlän Çerkeziň öňünde alynmajak gala bolmaz* (B. Seýtäkow). **Agzybirlik dogasy** ýaş çatynjalar biri-biri bilen oňşup ýaşasynlar diýip berilýän doga.

**DOGABAG** [doğa:va:ğ], *at.* Atyň boýnuna dakylýan ýüzi kümüşli gaýyş ýa-da alaja görnüşli örülen ýüp, bag. *Kerpiç-kerpiç dogabaglar.*

◊ **Dogabagyny deňlemek** çapyşykda atlaryň biri-biri bilen deňleşmegi, deňleşip çapmak. **Dogabagyny saýlamak** ýaryşda çapylanda biri beýlekisinden azajyk öňe geçmek, sähelçe ozmak, saýlanmak.

**DOGABITDI** [doğovitdi], *hal*. Dogaly bäri, eneden dogma, dogup-döräli bäri, doga. *Dogabitdi gylyk.*

**DOGAÇYL** [doğa:çyl], *syp.* Doga almagy, dakynmagy gowy görýän, doga ynanýan, yrym edýän (adam hakynda).

**DOGAÇYR** [doğa:çyr], *at.* **1**. *zergärç.* Çaga tahýasynyň depesinden dakylýan üçburç doga şekilli kümüş şaý. **2**. Nagyş ady.

**DOGAGÖÝ** [doğa:ğö:ý], *syp.* Doga ýazyp berýän, ýazyp beren dogasy ýöreýän.

**DOGALAMA** [doğa:lama], *işl.* Doga etmeklik.

**DOGALAMAK** [doğa:lamak], *işl.* Ruhy taýdan täsir etmek üçin doga etmek.

**DOGALAMAKLYK** [doğa:lamaklyk], *iş ady.* Dogalamak ýagdaýy.

**DOGALANMAK** [doğa:lanmak], *işl.* **1**. Doga edilmek, doga okap çüflenmek. **2**. Dogaly bolmak, doga ýazylan hat suwda ezilip, iýilýän, içilýän zatlara garylmak. *Dogalanan suw.*

**DOGALAÝYŞ** [doğa:laýyş], *iş ady.* Dogalamak ýagdaýy.

**DOGALY** [doğa:ly], *syp.* **1**. Dogasy bolan. **2**. Jadylanan (adam).

**DOGAN** [doğon], *at.* **1**. Bir ata-eneden bolan çagalaryň biri-birine bolan garyndaşlyk gatnaşygyny görkezýän söz. *Doganyň dogana bahasy ýokdur, Agany inige mätäç eýleme!* (Magtymguly). **3**. Köplenç, öz deň-duşuňdaky adama ýüzlenilende aýdylýan söz. *Jan doganlar, men indi mundan aňry gidip biljek däl* ("Türkmen halk ertekileri").

◊ **Dogan okaşmak** biri bilen doganlaşmak, biri bilen dogan bolmaga kasam etmek. *Men onuň bilen kyýamat dogan okaşyp, kyrk ýigidi alyp, bärik gaýtdym* ("Görogly"). *Biz onuň bilen Owganystanda dogan okaşypdyk* (B. Kerbabaýew).

**DOGAN-GARYNDAŞ** [doğon-ğarynnaş], *at.* Bir nesilden bolan adamlaryň hemmesiniň umumy garyndaşlyk gatnaşygyny bildirýän söz. *Kakasy-da,*

*ejesi-de, dogan-garyndaşlary-da Annagüli örän oňat görýärdiler* (B. Seýtäkow).

**DOGANLARÇA** [doğonlorço], *hal.* Dogan ýaly bolup, dogan hökmünde.

**DOGANLAŞMA** [doğonloşmo], *iş ady.* Doganlaşmak ýagdaýy.

**DOGANLAŞMAK** [doğonloşmok], *işl.* Doganlarça aragatnaşyk etmek, doganlyk aragatnaşygynda bolmak, dogan okaşmak, dostlaşmak.

**DOGANLYK** [doğonluk], *at, syp.* **1**. Doganlaryň özara maşgala aragatnaşyk ýagdaýy. *Diňe garyndaşlykda, doganlykda däl-de, ýoldaşlykda, adamkärçilikde deňi-taýy bolmadyk Sylaby ol indi görüp biljek däldi* (B. Kerbabaýew). **2**. Doganlarça dostluk, ýakyn dostluk, dostlukly aragatnaşyk. *Doganlyk halk*.

◊ **Doganlyk mazar** söweşde gurban bolanlaryň umumy mazary.

**DOGANOGLAN** [doğonoğlon], *at.* Kakalary dogan bolan oglanlar we gyzlar, öz kakaň doganynyň ogly ýa-da gyzy. *Ata-enesi bolmasa-da, süýtdeş aýal dogany, direnişip duran doganoglanlary bar* ("Edebiýat we sungat")

**DOGAR-DOGAR** [doğor-doğor], Dogup barýan uçurlary, wagty, pursady (Gün, Aý, ýyldyzlar hakynda). *Daňyň atyşyny synlajak oglan gün dogar-dogaryň üstünde oýansa nätjek!* (B. Hudaýnazarow).

**DOGA-TUMAR** [doğa:-tumor], *at.* Dogalaryň umumy ady (*ser*. **Doga 2**, **3** ).

**DOGDUK** [doğduk], *syp.* **1**. *Towşana dogduk depe* (Nakyl). *Dogduk ýerimiň topuryny ýüzüme syldym (R. Gelenow)*. **2**. *ser.* **Dogma I**, **1**.

**DOGMA** [doğmo] **I**, *iş ady.* **1**. Dogmak ýagdaýy. **2**. Dünýä inen, eneden bolan (mekan hakda). *Men ýaňy-ýakynda dogma ýurdum Tejene bardym* ("Edebiýat we sungat").

**DOGMA** [doğmo] **II**, *gepl.d.* Ogul. *Berdi aganyň dogmasy gelýär, ony "garşy alyň"!* (A. Durdyýew).

**DOGMAK** [doğmok], *işl.* **1**. Görünmek, peýda bolmak, çykmak (Gün, Aý we ş.m.). *Aý dogsa, älem görer* (Nakyl). **2**. Dünýä inmek, eneden bolmak, nesil döremek. *Enebaý eje bu goh-galmaga oýanyp, ýorganlarynyň üstünde oýaly-ukuly gözlerini owkalap oturan Aba bilen Ýusupberdä: – Balalam, ogul jigiňiz boldy – diýip, lak atdy-da, täze dogan çaganyň sesi çasly çykýan tama tarap döndi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Alem içre at gezer", 10 s.). *Şahyram il ýaly ýalaňaç dogýar* (K. Gurbannepesow). *Ondan dogan at saňa iru-giç peýda berer* ("Görogly").

**DOGMAKLYK** [doğmokluk], *iş ady.* Dogmak ýagdaýy.

**DOGRABERMEK** [doğra:vermek], *işl.* Dograp başlamak. *Indi bölek-bölek edilip pudarlanan etleri dograberiň.*

**DOGRALMAK** [doğrolmok] **I**, *işl.* **1**. Dogry bolmak, göni bolmak, gönelmek. *Polat sim dograldy.* **2**. *göç.m.* Bir işde, hereketde, meselede dogry ýola geçmek, gönelmek, hakykata eýermek, düzgüne boýun bolmak.

**DOGRALMAK** [doğrolmok] **II**, *işl.* Kesilip ýa-da döwlüp böleklenmek, bölek-bölek edilmek. *Dogralan gökje hyýara duz berdik. Dogralan eti gazana atdyk. Çörek dogralyp bolundy.*

**DOGRALTMAK** [doğroltmok], *işl.* Dogralar, göneler ýaly etmek, dogry etmek, göni etmek, dogry görnüşe getirmek, göneltmek. *Men simleri dograltdym.*

**DOGRALYBERMEK** [doğroluvermek], *işl., ser.* **Dogralmak I**.

**DOGRALYŞ** [doğroluş], *iş ady.* Dogralmak ýagdaýy.

**DOGRAM** [doğrom], *at.* Dogralan zadyň bir bölejigi.

**DOGRAMA** [doğromo], **1**. *iş ady.* Dogramak ýagdaýy. **2**. *at.* Dogralan çörek, bişen et, sogan garylyp, üstüne çorba guýlup iýilýän nahar. *Dogrusyny aýtsam, dograma çorba iýmälimiz bäri hem köp wagt bolupdyr* (A. Gowşudow).

**DOGRAMAK** [doğromok], *işl.* Kesip ýa-da döwüp böleklemek, bölek-bölek etmek. *Çörek dogramak.*

◊ **Dograp taşlamak** pyçaklap öldürmek, sowuk ýarag bilen bölekläp öldürmek. *Saman astyndan suw goýberen haýynlar harby syýasy ýolbaşçyny hem dograp taşlapdyrlar* (B. Kerbabaýew).

**DOGRAMÇA** [doğromço], *at.* Dogralan, bişirilen, gowrulan etiň bir bölegi, bölejik et. *Ol iýmek üçin eline bir dogramça aldy.*

**DOGRAM-DOGRAM** [doğrom-doğrom]**: dogram-dogram etmek** bölek-bölek, kesim-kesim, parça-parça etmek. *Garrylaryň ogly çybyklary dogram-dogram edip geçdi* (N. Saryhanow).

**DOGRANMAK** [doğronmok], *işl.* Özüň üçin dogramak. *Çörek dogranmak.*

**DOGRAŞDYRMAK** [doğroşdurmok], *işl.* Bölek-bölek, dogram-dogram edişdirmek, dograp çykmak. *Öýüne girip gaty-guty çöreklerden çanaga dograşdyryp, eltip goýnunyň öňünde goýdy* (A. Durdyýew).

**DOGRAŞMAK** [doğroşmok], *işl.* **1**. Dogramaga kömek etmek. *Çörek dograşmak.* **2**. Bilelikde dogramak. *Olar et dograşyp otyrdy.*

**DOGRAŞYBERMEK** [doğroşuvermek], *işl.* Dograşyp başlamak.

**DOGRATMAK** [doğrotmok], *işl.* Dogramak işini başga birine etdirmek, dogram-dogram etdirmek, kesdirip bölekletmek. *Toý eýesi adamlara çörek dogratdy.*

**DOGRAÝYŞ** [doğroýuş], *iş ady.* Dogramak ýagdaýy.

**DOGRUÇYL** [doğruçul], *syp.* **1**. Ýalan sözlemeýän, dogry zat aýdýan, hakykatçy. *Abdyrahman arassa, dogruçyl adamdy* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Bolşy ýaly, çyn, hakyky. *Taryhyň dogruçyl beýany*.

**DOGRUÇYLLYK** [doğruçulluk], *at.* **1**. Ýalan sözlemezlik, dogry zat aýtmaklyk, hakykatçylyk. *"Halallyk we dogruçyllyk ynsanyň gorag galasydyr" diýen ajap bir pähimem bar* ("Türkmenistan"). *Dogruçyllygy üçin ony hemmeler gowy görerdi.* **2**. *göç.m.* Bolşy ýalylyk, hakykylyk.

**DOGRUDA** [doğrudo], *köm. s., ser.* **Dogrusynda**. *Ol dogruda birnäçe zatlar aýdyldy.*

**DOGRUDAN** [doğrudon], "Hakykatdan, çyndan, hakykat ýüzünde" ýaly many aňladýan kömekçi söz.

**DOGRUDAN-DOGRY** [doğrudon-noğry], Gös-göni, göni, gönüden-göni, dogry, dos-dogry.

**DOGRULABERMEK** [doğrula:vermek], *işl.* Dogrulap başlamak.

**DOGRULAMA** [doğrulomo], *iş ady.* Dogrulamak ýagdaýy.

**DOGRULAMAK** [doğrulomok], *işl.* **1**. Dogry, göni etmek, gönülemek. *Egrelen gazygy dogrulap kakdym.* **2**. Nyşana almak, çenemek, gabatlamak. *Şol ýerde oturan äpet çynary dogrulap bir ok atdy* ("Görogly"). **3**. Laýyk getirmek, laýyk etmek, laýyklamak, gabat getirmek. *Kanuna dogrulamak.* **4**. Gönülemek, gönüläp gitmek. *Emma welin gadymyýeti öwreniji onuň öňüni kesip, dogrulap ylgady* (N. Jumaýew). **5**. Düzmek, sazlamak. *Dutaryň perdesini şirwana dogruladyk.*

**DOGRULAMAKLYK** [doğrulomokluk], *iş ady.* Dogrulamak ýagdaýy.

**DOGRULANMAK** [doğrulonmok], *işl.* **1**. Dogry edilmek, gönülenmek. **2**. Nyşana alynmak çenelmek.

**DOGRULAÝYŞ** [doğruloýuş], *iş ady.* Dogrulamak işi.

**DOGRULATMAK** [doğrulotmok], *işl.* **1**. Dogry etdirmek, göneltmek. *Egri çüýleri dogrulatmak.* **2**. Nyşana aldyrmak, çenetmek.

**DOGRULYK** [doğruluk], *at.* **1**. Egri dällik, gönülik. *Dogrulyk adamy adam edýän häsiýetdir.* **2**. Ýalan-ýaşyryksyzlyk, ýalňyş dällik, hakykata laýyklyk. **3**. *ser.* **Dogruçyllyk 1**. *Onuň dogrulykdan gören ýamanlygy ýokdy.*

**DOGRUSY** [doğrusy], "Hakykaty, hakykatyny aýtsaň, hak aýtsaň" diýen ýaly many aňladýan giriş sözi. *Men saňa onuň edermenliginden ýene bir wakany gürrüň bereýin: asyl sebäbini, dogrusy, oňly bilemok* (B. Kerbabaýew).

**DOGRUSYNDA** [doğrusunno], Bir zat hakda aýdylýan, "barasynda, hakynda" ýaly many aňladýan sözsoňy kömekçi.

**DOGRY** [doğry], *syp.* **1**. Göni, egri däl, gyşyk bolmadyk. *Ýaý çekende dogry garap atmasaň, Ol okuň nyşanaň ýanyna degmez* (Magtymguly). **2**. Ýalňyş däl, hakykata laýyk gelýän, çyn. *Mert ogludyr, ile ýazar desterhan, Dogry söz üstünde berer şirin jan* (Magtymguly). **3**. Dogruçyl, hakykatçy. *Egri azar, dogry ozar* (Nakyl). **4**. "Hakykatda, aslynda" diýen ýaly manyda gelýän giriş sözi. *Dogry, bize-de şu wagt suw onçakly ýetenok* (B. Kerbabaýew).

◊ **Dogry gelmek** gabat gelmek, laýyk gelmek. *Ýöne welin bu günki edilýän işler ne taňrynyň emrine dogry gelýär, ne kanun-şerigata sygýar* (G. Kulyýew). **Dogry ýol** durmuşyň çyn, hakyky, kanuny, adalatly ýoly. *Biz azaşsak, bizi dogry ýola gönükdiren-de tapylar* (B. Kerbabaýew). **Dogry tapmak** hakyky diýip bilmek, çyn, adalatly hasaplamak. *Onuň pikirini dogry tapdyk.* **Dogryňdan gelmek** hakykaty aýtmak, çynyňy aýtmak, dogry sözlemek, ýalan sözlemezlik. – *Dogryňdan gel, agsak* (B. Seýtäkow).

**DOGULMA** [doğulmo], *iş ady.* Dogulmak ýagdaýy.

**DOGULMAK** [doğulmok], *işl.* Dünýä inmek, eneden bolmak. *Eşret tapar seniň goýnuňda doglan* (M. Myşşyýew).

**DOGULMAKLYK** [doğulmokluk], *iş ady.* Dogulmak ýagdaýy.

**DOGUM** [doğum], *at, ser.* **Dogumlylyk**. *Sagynda, solunda maşyn sürüldi, Dogum bilen kenarynda derýanyň* (N. Annagylyjow).

**DOGUMLANDYRMAK** [doğumlonnurmok], *işl.* Dogumly etmek. *Iki ýylyň dowamynda goşun tertibi Gylyç Gajar ogluny dogumlandyrdy* (N. Pomma).

**DOGUMLANMA** [doğumlonmo], *iş ady.* Dogumlanmak ýagdaýy.

**DOGUMLANMAK** [doğumlonmok], *işl.* Dogumly, ýürekli, batyr bolmak, gujurlanmak, gaýratlanmak. – *Annaguly jan, senem adam bol, ynha seni synlamaga geljekler, bu sölperip ýörmegiňi taşla, dogumlan, senem bir hepbelije bol* (A. Durdyýew).

**DOGUMLY** [doğumly], *syp.* Edenli, gujur-gaýratly. *Dogumly adam. Dogumly gymyldamak.*

**DOGUMLYLYK** [doğumluluk], *at.* Dogumly bolmaklyk, edenlilik, gujur-gaýratlylyk.

**DOGUMLYRAK** [doğumlura:k], *syp.* Az-kem dogumly.

**DOGUMLYSYRAMAK**, [doğumlusuromok] *işl.* Dogumly bolan bolmak, özüni dogumly görkezen bolmak.

**DOGUMLYSYRAŞMAK** [doğumlusuroşmok], *işl.* Köplük bolup dogumlysyran bolmak.

**DOGUMSYRAMAK** [doğumsuromok], *işl., ser.* **Dogumlysyramak**. *Dogumsyrap, elin çyzgap, O çişigiň*

*yzysüre, Ýene-de bir baý heleýi, Orta çykdy batyp dere* (K. Gurbannepesow).

**DOGUMSYRAŞMAK** [doğumsuroşmok], *işl.* Şol bir wagtda birnäçe bolup bilelikde dogumsyramak. *Atbaşçy gelen ýaş ýetginjekler özlerini oňat tarapdan tanatjak bolup hasam dogumsyraşýardylar.*

**DOGURMA** [doğurmo], *iş ady.* Dogurmak hal-ýagdaýy.

**DOGURMAK** [doğurmok], *işl.* Dünýä indermek, önelge, nesil öndürmek, nesil bermek, çagalamak. *Dogurmak aňsat, dogry ýola salmak kyn* (Nakyl). *Aýgüli dogran sen bolsaňam, ony terbiýelän sen dälsiň* (B. Kerbabaýew).

**DOGURMAKLYK** [doğurmokluk], *iş ady.* Dogurmak ýagdaýy.

**DOGRUŞ** [doğruş], *iş ady.* Dogurmak ýagdaýy.

**DOGURTMAK** [doğurmok], *işl.* Dünýä indertmek, çagalatmak.

**DOGUŞ** [doğuş], *iş ady.* Dogmak ýagdaýy.

**DOK**, *syp.* **1**. Naharly, naharlanan, doýan. *Dok başa döwlet ýagar* (Nakyl). *Garny doka bela ýok* (Nakyl). **2**. Dänesi ýa-da maňzy doly, açmaňyz däl. *Süýnmegräk, dänesi iri, dok bugdaýyň idegi ýokary bolanda, 80 sentnere çenli hasyl alyp bolýar* ("Türkmenistan"). **3**. *göç.m.* Bizar bolan, iren, doýan, doýgun. *Ol öz garyndaşlaryndan halys dokdy.* **4**. *göç.m.* Näme-de bolsa bir zatdan özüne geregini alan, ýetiren. *Kitap okan gullar manydan dokdur* (Magtymguly). **5**. *göç.m.* Baý, barjamly. *"Dok" diýip, tilkä barandan, aç-da bolsa, gurda bar* (Nakyl).

**DOKA** [doko], *at, ser.* **Toka**.

**DOKABERMEK** [doka:vermek], *işl.* Dokap başlamak.

**DOKADYLMAK** [dokodulmok], *işl.* Dokamak üçin birine berilmek, başga birine dokadyp taýýarladylmak. *Palas ýerine haly dokadylmak.*

**DOKALMAK** [dokolmok], *işl.* Çitilip ýa-da kakylyp erişden argaç geçirilip taýýar edilmek, öndürilmek (haly, mata we ş.m. hakynda). *Nepis halylar barha köp dokalýar.*

**DOKAMA** [dokomo], *iş ady.* Dokamak ýagdaýy.

**DOKAMAK** [dokomok], *işl.* Erşiň içinden argaç geçirip, darak bilen kakmak arkaly mata, haly we ş.m. öndürmek. *Bir okana bar, birem – dokana* (Nakyl). *Näzik onuň-munuň halysyny dokap, gaýmasyny gaýap, keşdesini çekip, el hünäri bilen hyzmat edýärdi* (A. Gowşudow).

**DOKAMAKLYK** [dokomokluk], *iş ady.* Dokamak ýagdaýy.

**DOKANMAK** [dokonmok], *işl.* Özüň üçin dokamak, özüň üçin dokap taýýarlamak. *Kilim dokanmak. Düýp haly dokanmak. Çuwal dokanmak.*

**DOKAŞDYRMAK** [dokoşdurmok], *işl.* Dokap çykmak, köp dokamak.

**DOKAŞMAK** [dokoşmok], *işl.* **1**. Dokamaga, dokap taýýarlamaga kömekleşmek. *Jeren jorasyna tara dokaşdy.* **2**. Birnäçe bolup bile dokamak (hemişe yzyndan *oturmak* kömekçi işligi gelýär). *Haly dokaşyp oturan gelin-gyzlaryň aýdýan aýdymy, urulýan daraklaryň sesi bilen sazlaşyp gidýärdi.*

**DOKATMAK** [dokotmok], *işl.* Dokamak işini başga birine etdirmek. *Ol gelin jorasyna gyňaç dokatdy. Palas dokatmak.*

**DOKAÝYŞ** [dokoýuş], *iş ady.* Dokamak ýagdaýy.

**DOKÇULYK** [dokçuluk], *at, ser.* **Dokluk 2**.

**DOKLAD** [dakla:t], *at,* **1.** Belli bir tema boýunça köpçülik öňünde beýan edilýän habar. *Ýyllyk hasabatyň dokladу. Doklad ýazmak. Doklad bilen çykyş etmek.* **2.** Gulluk işi dogrusynda edara ýolbaşçysyna we ş.m. ýatdan ýa-da hat üsti bilen berilýän maglumat, habar. *Ýygnakda Hoşly hasabat dokladyny bermeli boldy* (A. Gowşudow).

**DOKLADÇY** [dakla:tçy], *at,* Doklad bilen çykyş edýän adam.

**DOKLUK** [dokluk], *at.* **1**. Aç dällik, naharlylyk. *Doýan ýeriňde doklugyňy siňdirme* (Nakyl). **2**. Maddy ýagdaýyň gowulygy, bolelinlik, bolluk, bol-telkilik. *Uruşdan soň ýurt doklukda boldy.*

**DOKMA** [dokmo], *at.* **1**. Dokamak üçin eriş, ýüplük we ş.m. çekilip ýüwürdilip goýlan serişde, desga. *Saýrar şirin dilleri, Dokma dokar elleri* (Hüwdi). **2**. Dokalan taýýar önüm. *Uzuk gyzyň hem dokmasyny kesip, jahana arkaýyn syn etjek güni geldi* (H. Derýaýew).

◊ **Dokma darak** halynyň çitimini syk etmek üçin uzyn demir dişli, desseli gural. *Gaýra-gaýra bakar men, Dokma darak kakar men* (Läle). **Dokma kärhanasy** dokalýan önümleri taýýarlaýan kärhana.

**DOKMAÇY** [dokmoçy], *at.* Dokma dokamak işi bilen meşgul bolýan adam, dokmaçylyk önümçiliginde işleýän işçi. *Görsem, ynha, dokmaçylaryň arasynda naw ýaly syratly bir gyz bar* (A. Durdyýew).

**DOKMAÇYLYK** [dokmoçuluk], *at.* Mata, haly ýaly önüm dokap taýýarlamak senedi.

**DOKMÄDE** [dokmä:de], **1**. *syp., ser.* **Dok 1**, **3**. **2**. *göç.m.* Sabyrly, kanagatly, açgöz däl.

**DOKMÄDELIK** [dokmä:delik], *at, ser.* **Dokluk**. *Haýal etmän iýiberiň siz – diýip, dokmädelik bilen nahardan her wagt bir agyz garbanmaga başlady* (A. Gowşudow).

**DOKMÄDESIREMEK** [dokmä:desiremek], *işl.* Dokmäde bolan bolmak, özüňi dökmäde görkezen bolmak, doksuramak. *Näzik eje "Şonuň öýkesini ýazsaňam, uly sylag etdigiň" diýip, ol ýerde dokmädesiredi* (A. Gowşudow).

**DOKRAK** [dokura:k], *syp.* Azda-kände dok.

**DOKTOR** [do:ktor], *at.* **1**. Ýokary attestasiýa komiteti tarapyndan doktorlyk dissertasiýasyny goran adama berilýän alymlyk derejesi. **2**. *gepl.d.* Lukman.

**DOKTORANT** [doktora:nt], *at.* Önümçilikden aýrylmak şerti bilen doktorlyk alymlyk derejesini almak üçin doktorlyk işi taýýarlaýan adam.

**DOKTORLYK** [do:ktorluk], *at.* **1**. Ylymlaryň doktory alymlyk derejesi. **2**. *syp.* Doktorlyk alymlyk derejesini almak üçin taýýarlanýan, ýazylýan iş. *Doktorlyk dissertasiýasy*.

**DOKUNMAK** [dokunmok], *işl.* Kanagatlanmak, kanagat tapmak, doýmak, ganmak. *Ylaýta-da, çyraň ýagtysyna onuň keşbine garanda, göwni dokundy* (B. Kerbabaýew).

**DOKUZ** [dokuz] **I**, *san.* 9 belgisiniň ady we onuň aňladýan sany. *Dokuz aýlap seýislenip, dokuz aýlap ýatyp geldi* (K. Gurbannepesow).

**DOKUZ** [dokuz] **II**, *at, gepl.d.* Durmuşa çykýan gyzyň toý sepi, bukja.

◊ **Dokuzy düzüw (doly**, **tükel)** hemme zady ýerbe--ýer, kem zady bolmadyk. *Hudaýa şükür, dokuzymyz düzüw, gül ýaly durmuşymyz bar.*

**DOKUZDONLY** [dokuzzo:nly], *syp.*, *lukmanç.* Çybana meňzeş, dömüp çykýan örän agyryly çykuw.

**DOKUZLAMA** [dokuzlomo], *iş ady.* Her bendi dokuz setirden ybarat şygyr düzüliş formasy.

**DOKUZLYK** [dokuzluk], **1**. *at, syp.* 9 belgisi bilen aňladylýan haýsydyr bir zadyň ady. *Duralgada duran gyz ýaňyja ugran awtobusa tarap elini uzadyp:"Dokuzlyk* edil ýaňy ugrady *" diýdi. Dokuzlyk awtobus.* **2**. Käbir zatlaryň ölçegini görkezýän san. *Dokuzlyk galoş.*

**DOKUZYNJY** [dokuzunjy], *san.* 9 sanyndan ýasalan tertip san. *Dokuzynjy ýanwar.*

**DOKY**, *at.* Bekreler maşgalasyndan bolan tumşugy ýasyrak uly balyk.

**DOLABARA** [do:lovara:], *hal.* Dola ýakyn, pürepüre golaý. *Kem-kemden galkyjaklaýan läbik mele suw nobury dolabara edip, çaýkanyp ýatyrdy* (B. Kerbabaýew).

**DOLABERMEK** [dola:vermek], *işl.* Dolap başlamak, dolap ugramak.

**DOLAK** [dolok], *at.* Ädik, çokaý, çaryk ýaly aýakgap geýlende, aýaga dolamak üçin goýun ýüňünden inçe egrilip, 30-40 *sm* inlilikde gulaçda dokalýan mata önümi ýa-da gerekli mukdarda gyrkylyp alnan zolak mata.

**DOLAKLYK** [dolokluk], *syp.* Dolak etmek üçin niýetlenen, dolak etmäge ýaramly bolan. *Dolaklyk ýüň. Dolaklyk mata.*

**DOLAMA** [dolomo], **1**. *iş ady.* Dolamak ýagdaýy. **2**. *at.* Üwelen et bilen tüwi garylyp, kelem ýa-da üzüm ýapragyna dolanyp bişirilýän nahar. *Börek gerekmi, dolama gerekmi, islän naharyň bugaryp dur.*

**DOLAMAK** [dolomok], *işl.* **1**. Bir zadyň daşyna mata, kagyz we ş.m. zat çolamak. *Tüýdügini el ýaglygyna dolady* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Yzyna öwürmek, gaýtarmak. **3**. Gundamak. *Ýaş çagany gundaga doladylar.* **4**. *gepl.d.* Sowmak, ugruny üýtgetmek, äheňini üýtgetmek. *Ondan soň gürrüňi ekerançylyk meýdanyna baka doladylar* (A. Gowşudow).

**DOLAMAKLYK** [dolomokluk], *iş ady.* Dolamak ýagdaýy.

**DOLANAN** [dolonon], *at.* Kakalary doganoglan bolan çagalaryň biri-birine bolan garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz.

**DOLANDYRMA** [dolonnurmo], *iş ady.* Dolandyrmak ýagdaýy.

**DOLANDYRMAK** [dolonnurmok], *işl.* **1**. Yzyna gaýtarmak, yzyna öwürmek. *Dolagna bak, dolagna, Dolandyrar gyzlary* (Halk döredijiliginden). **2**. Bir kärhananyň, edaranyň işini emelli-başly alyp barmak, edara etmek. *Ol ýurdy dolandyrmagyň abyny-tabyny almanka özüne gowy, adalatly han diýdirjek bolup, ýesirlere öz iline gaýtmaga ygtyýar edipdir* (N. Pomma).

**DOLANDYRYBERMEK** [dolonnuruvermek], *işl.* Dolandyryp başlamak.

**DOLANDYRYJY** [dolonnurujy], *at, syp.* **1**. Edara ediji. **2**. Işleri alyp baryjy, ýörediji. *Işleri dolandyryjy.*

**DOLANDYRYLMAK** [dolonnurulmok], *işl.* Edara edilmek, bir işe ýolbaşçylyk edilmek, hojalyk işi ýöredilmek. *Kärhana direktor tarapyndan dolandyrylýar*.

**DOLANDYRYŞ** [dolonnuruş], *iş ady.* Dolandyrmak işi. *Dolandyryş işleri türkmen dilinde alnyp barylýar.*

◊ **Dolandyryş edarasy** müdirlik, müdiriýet. *Gurluşyk-gurnaýyş dolandyryş edarasy*.

**DOLANMA** [dolonmo], *iş ady.* Dolanmak ýagdaýy.

**DOLANMAK** [dolonmok], *işl.* **1**. Daşyna aýlanmak, daşyna saralmak, oralmak. *Esgerler dolaklaryny çalykdyryp dolandylar*. **2**. Daşyny örtmek üçin bir zada oralmak, daşy bir zada oralyp örtülmek. *Saçaga dolanan çörek.* **3**. Gaýdyp gelmek, yzyňa gaýtmak, yzyna öwrülmek. *Saglyk bolsa, agşama çenli dolanaryn* ("Edebiýat we sungat"). **4**. Bir tarapa sowulmak, ugruňy üýtgetmek. **5**. Ötmek, geçmek, aýlanmak. *Aýlanar aýlary, dolanar ýyllar, Aýlar, ýyllar geldi, bular gelmedi* (Magtymguly).

**DOLANMAKLYK** [dolonmokluk], *iş ady.* Dolanmak ýagdaýy.

**DOLANUWSYZ** [dolonuwsuz], *syp.* Öňki ýagdaýa gelmesiz, yza gaýtmasyz. *Öňki düzgüniň dargamagy dolanuwsyz ýagdaýdyr.*

**DOLANUWSYZLYK** [dolonuwsuzluk], *at.* Öňki ýagdaýa gelmezlik, yza gaýtmazlyk.

**DOLANYBERMEK** [dolonuvermek], *işl.* Dolanyp başlamak.

**DOLANYP** [dolonup], *hal.* Mundan buýana, gaýdyp, öwrülip, hiç haçan, hiç wagt. *Men ony dolanyp görmedim* (N. Pomma).

**DOLANYŞ** [dolonuş], *iş ady.* Dolanmak ýagdaýy.

**DOLANYŞYK** [dolonşuk], *at.* **1**. Güzeran, maddy taýdan oňşuk etmeklik. *Janymyz sag, dolanyşygymyz gowy.* **2**. Söwda, bank işinde harytlaryň, pul serişdeleriniň aýlawy, aýlanmagy.

**DOLAŞDYRMAK** [doloşdurmok], *işl.* Belli bir wagtyň dowamynda birnäçe zady dolap çykmak, hemmesini dolamak. *Ol saçagy dolaşdyryp, dulda goýdy*.

**DOLAŞDYRYBERMEK** [doloşduruvermek], *işl.* Dolaşdyryp başlamak.

**DOLAŞMAK** [doloşmok], *işl.* **1**. Dolamaga kömekleşmek. *Düşekleri kakyşyp bolandan soň, olary dolaşmaga-da kömekleşdi.* **2**. Biri-biriň boýnuna gol salyşmak, gujaklaşmak. **3**. Çolaşmak. *Onuň çarygynyň bagy aýagyna dolaşdy.*

**DOLAÝYŞ** [doloýuş], *iş ady.* Dolamak ýagdaýy.

**DOLDURGYÇ** [do:llurğuç], *at, dil b.* Sözlemiň habaryna ýa-da işliklerden bolan başga bir agzasyna baglanyp, şolary aýyklap gelýän söz. *Orun doldurgyjy.*

**DOLDURMA** [do:llurmo], *iş ady.* Doldurmak ýagdaýy.

**DOLDURMAK** [do:llurmok], *işl.* **1**. Bir zadyň içini doly etmek; pürepür etmek. *Myhman Suhan gatynyň uzadan çäýnegini öňüne süýşürip, käsesini doldurdy-da: – Suhan aga, henizem düýeleriň Hywa gatnaýandyr? – diýip söz gatdy* (H. Derýaýew). **2**. Birnäçe bolup bir zadyň (jaýyň, köçäniň we ş.m.) içinde durmak, oturmak. *Ýalaňaç gylyçly atlylar köçäni dolduryp durdular* (B. Kerbabaýew). **3**. Gerek bolan ähli maglumatlary ýazmak. *Alyň, kagyzy dolduryň! Tablisany doldurmak.* **4**. Üstüni ýetirmek, goşmak. *Çykyp geplän ýoldaşlar hem onuň üstüni doldurdylar* (B. Kerbabaýew). **5**. Ýerine ýetirmek, berjaý etmek. *Şu günler biz gije-gündiz ýatman, borçnamany doldurjak bolýarys* (B. Pürliýew). **6**. Belli bir ýaşa ýetmek. – *Balam! Sen on ikini ýa dolduransyň, ýa dolduran dälsiň* (B. Kerbabaýew).

**DOLDURTMAK** [do:llurtmok], *işl.* Doldurmak işini başga birine etdirmek.

**DOLDURYLMAK** [do:llurulmak]. *Bedreler suwdan dolduryldy.* **2**. Ýerine ýetirilmek, berjaý edilmek. *Döwlet borçnamasy artygy bilen dolduryldy* ("Edebiýat we sungat").

**DOLDURYŞMAK** [do:lluruşmok], *işl.* Doldurmaga kömekleşmek. *Ejeme bedrelerini suwdan dolduryşdym. Blanklary dolduryşmak.*

**DOLLAR** [do:llor], *at.* ABŞ-nyň, Kanadanyň, Awstraliýanyň pul birligi.

**DOLLARLY** [do:llorly], *syp.* **1**. Dollary bar bolan adam. *Dollarly adam.* **2.** Dollara dahylly, dollar bilen baglanyşykly. *Dollarly gürrüň näme bilen gutardyka?*

**DOLLARLYK** [do:llorluk], *syp.* Gymmaty dollara deň bolan, barabar bolan.

**DOLMA** [do:lmo], *iş ady.* Dolmak ýagdaýy.

**DOLMAÇ** [do:lmoç] , *syp.* Bedeni dykyz, eti-gany ýetik, doluşan.

**DOLMAK** [do:lmok], *işl.* **1**. Içi büs-bütin doly bolmak, pürepür bolmak. *Ýagyş suwundan dolan oýtaklar.* **2**. Köp bolup bir ýere ýygnanmak, üýşmek, toplanmak. *Sähel wagtyň içinde giň meýdan ýeňil eýerlenen ...atlardan doldy* (B. Seýtäkow). **3**. Ýerine ýetmek, berjaý bolmak. *Ýurdumyzyň pagta borçnamasy doldy.* **4**. Belli bir möhlete, ýaşa ýetmek. *Şu ýylyň başynda meniň elli ýaşym doldy.* **5**. Ýaýramak, äşgär bolmak. *Ol, kakasy daş çykaýdygy, oba dolan myş-myşlaryň anygyna ýetmäge howlugýardy* (B. Gulow). **6**. Bir zada gaty gaharlanyp çişmek. *Ahyry Myrat agadan razyçylyk bolmajagyny bilip, birden çym-gyzyl bolup doldy* (H. Derýaýew). **7**. Ini-boýy ýetmek, ýetjek derejesine ýetmek. *Dolan Aý giň äleme şöhle seçýärdi* (A. Gowşudow). **8**. Gujaga girmek. *Ol alňasaýardy, gözi bilen görmedik, duýgy bilen seçmedik näzeniniň goltugyna dolasy gelýärdi* (G. Kulyýew). **9**. *gepl.d.* Üstüni ýetirmek, artdyrmak. *Haltaňyzyň üstüni doluň. Puluň üstüni dolmak.*

◊ **Dolup oturmak 1)** aýy-güni ýetik göwrelilik halynda bolmak. *Şol wagt aýalym dolup otyrdy* ("Edebiýat we sungat"). **2)** gahar-gazaply ýagdaýda bolmak. *Ol soňky eşiden habaryna näme etjegini bilmän dolup otyrdy.*

**DOLMAKLYK** [do:lmokluk], *iş ady.* Dolmak ýagdaýy.

**DOLMUŞ** [do:lmuş], *syp., ser.* **DOLMAÇ**

**DOLUBERMEK** [do:luwermek], *işl.* Dolup başlamak.

**DOLUHAN** [do:luha:n], *at.* Gülli joraplaryň durkuna salynýan "O" harpyna çalymdaş top-top nagyş.

**DOLULYK** [do:luluk], *at.* **1**. Doly, pürepür ýagdaýda bolmaklyk. **2**. Etli-ganlylyk, semizlik. *Dolulyk hem adama görk berýär.* **3**. Üsti ýetirilenlik, artdyrylanlyk, ýerbe-ýerlik. *Ol goşgy biziň elimizde dolulygyna ýok.*

**DOLUP-DAŞMAK** [do:lup-da:şmak], *işl.* **1**. Joşup, kenaryndan agmak, daşyna çykmak. *Biri-birine ulaşan, Bulaklary dolup-daşan, Kükräp, bugra dek dalaşan, Ýolbars, gaplaň, şiri bardyr* ("Görogly"). **2**. Güýçli derejede ylhamy göterilmek, hyjuwlanmak. *Hyjuw bilen dolup-daşyp geldiler* (J. Ilmyradow).

**DOLUŞ** [do:luş], *iş ady.* Dolmak ýagdaýy.

**DOLUŞMAK** [do:luşmok], *işl.* **1**. Dolup, pürepür bolup başlamak. *Howdan suwdan doluşanda, suwy kesdiler.* **2**. Ete-gana gelmek, semräp ugramak. *Doluşan*

*beden.* **3**. Hasyly ýetişmek, hasyly boý almak. *Doluşan gozalar.* **4**. Ini, boýy barabarlaşmak, barjak derejesine ýeteňkirlemek, tegelenmek. *Doluşan Aý.*

**DOLY**, *at.* Kiçeňräk göjek görnüşli buz bolup ýere ýagýan ýagyn. *Ekinleri doly zaýalapdyr.*

◊ **Doly ýaly ýagmak** yzy üzülmän atylmak (ok we ş.m.). *Olaryň üstüne gülle doly ýaly ýagdy* (A. Nazarow).

**DOLY** [do:ly] **I**, *syp.* **1**. Erňegine çenli salnan, doldurylan, pürepür edilen. *Onuň gollary gaty güýçlüdi, doly çuwal onuň gollaryna samanly çuwaldan agyr däl* (A. Durdyýew). **2**. Kabul edilen möçberine laýyk gelýän, ondan kem bolmadyk. **3**. Hyryn-dykyn, urlup dykylan ýaly. *Mekdebiň howlusy al-ýaşyl geýnen gyzlardan doly* ("Edebiýat we sungat"). **4**. Hiç zat bilen çäklendirilmeýän, çäklendirilmedik. *Size doly hukuk bermäge men çalşaryn* (B. Kerbabaýew). **5**. Başdan-aýak, bütinleý, büs-bütin. *Onuň gapagyny doly açaýsa, içindäki zatlar uçup gidäýjek ýalydy* (B. Pürliýew). *Ahunyň gelmegi oňa kinesini doly dökmäge maý bermedi...* (G. Kulyýew). **6**. Gutarnykly, ýeterlik. *Bu kitapda türkmen edebiýaty barada doly maglumatlar bar.* **7**. Semiz, dolmaç, etine-ganyna gelen. *Goňras gür saçlaryndan iki-ýeke ak giren, peşeneli, doly aýal olary, hakykatdan-da, hoşamaý garşylady* (B. Kerbabaýew). **8**. Bir zada ýeterlik duýgusy bolan. *Muhabbet şöhlesinden doly onlarça gözler birek-biregi gutlaýardy, alkyşlaýardy* (G. Kulyýew). **9**. Agzyna ok sürlen (tüpeň hakynda). *Goşanyň iki gözi hem doludy.* **10**. Akyly ýerinde, akyly kem däl. *Ol özüne gerek bolsa, etjegini bilýär, ol däli däl, doly.*

**DOLY** [do:ly] **II**, *at.* Degirmen daşynyň üstündäki üweljek däne guýulýan guýguç şekilli gap. *Her gelende-de: "Bir zat bolaýsa gygyryň" diýip, dola boýnuny uzadýar* (R. Gelenow).

◊ **Dolusyny egismek** baýlygyny kemeltmek, azaltmak, mülküňi egismek.

**DOLY** [do:ly] **III**, *at.* Guýudan suw çekýän erkegiň, düýäniň gidip-gelýän aralygy. *Guýynyň başynda uzynly gün dola ýörän erkekler-de indi otlaşyp ýörler* (K. Berdiýew).

**DOMALAN** [domolon], *at.* **1**. Ýagynly ýaz aýlary kä ýyllarda dag eteklerindäki baýyrlyk meýdanlarda bitýän, ýerden çala güberilip çykýan, ýer almasy pisint kömelek şekilli ýönekeý ösümlik. *Domalan ýabany bitýän ösümlikdir.* **2**. Suwotuna meňzeş haşal ot.

**DOMMAL** [dommol], *at, deňizç.* **1**. Köplenç, kenar ýakasynda balyk tutmak, uzak bolmadyk ara ýük daşamak, adam gatnatmak üçin ulanylýan ýelkenli gaýygyň bir görnüşi. **2**. Kenara aşmak üçin nawyň yzyna tirkelýän ýelkensiz, diňe çap bilen küreklenip sürülýän kiçeňräk gaýyk. *Dynç alyş günleri dommaldan, taýmyldan, ýel berlip çişirilen gaýyklardan ýaňa giň aýlagyň ýüzi petir bezelene dönýär* ("Edebiýat we sungat").

**DOMMARMAK** [dommormok], *işl., ser.* **Dommarylmak**.

**DOMMARYLMA** [dommorulmo], *iş ady.* Dommarylmak ýagdaýy.

**DOMMARYLMAK** [dommorulmok], *işl.* Doňan ýaly bolup, ýüzüňi salyp, dymyp oturmak. *Ýüzüni bazardan gaýdan öküziň ýüzi ýaly edip dommaryldy* (R. Gelenow).

**DON** [do:n], *at.* Inçeräk zolaklarynyň arasy ak, sary çyzmykly, özi-de tarada dokalan donluk matadan içlik bilen arasyna pagta salnyp tikilen daşky geýim. *Donuň täzesi ýagşy, dostuň könesi* (Nakyl). *Maslahatly biçilen don gysga bolmaz* (Nakyl). *Toýa barsaň doýup bar, toý donuňy geýip bar* (Nakyl).

◊ **Donuňa sygmazlyk** gabarylmak, gopbamlyk etmek, çişmek, hondanbärsi bolmak. *Pökgi wala şondan soň donuna sygman, ýel alyp, çişip, öwnüp gezdi* (B. Kerbabaýew). **Dony biçilmek** nä güne sezewar ediljekligi belli edilmek, çözülmek, işi görülmek. *Barybir, olaryň dony biçildi* ("Edebiýat we sungat").

**DONLUK** [do:nluk], *at.* Don etmek üçin ýaramly, don etmek üçin niýetlenen. *Donluk mata.*

**DOŇ**, *syp.* Sowugyň täsiri bilen buza dönen, gatan. *Aýyň yşygyna ýerdäki doň garyň ýüzünde buldurçynlar ýyldyraşýar* (A. Gowşudow).

◊ **Doň bagyr (ýürek)** rehim-şepagatsyz, rehimsiz, zabun. *Adamlar, doň bagyr bolmaň.* **Doňy çözülmek** maýyl, gyzgyn howanyň täsiri netijesinde doňan zat eräp ugramak. *Howa maýlap, ýeriň doňy çözüldi. Sowadyjydan çykarylan etiň doňy çözülsin.*

**DOŇAK** [doňok], *syp.* Sowuk sebäpli doňup galan, doň. *Doňak ýol.*

**DOŇAKÇYLYK** [doňokçuluk], *at, ser.* **Doňaklyk**.

**DOŇAKLYK** [doňokluk], *at.* **1**. Ýeriň, topragyň, howanyň doňan halyndaky ýagdaýy. *Ak pamygy aýaza, doňaklyga galdyryp çüýretmäliň* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *göç.m.* Sowuk, aýaz. *Şatlama doňaklyk.*

**DOŇDURMA** [doňdurmo], **1**. *iş ady.* Doňdurmak ýagdaýy. **2**. Gowrulan künjüdir bugdaý toşaba garylyp doňdurylandan soň emele gelýän halwa meňzeş önüm, iýmit. **3**. Gaýmak, süýt doňdurylyp ýasalan süýji sowuk iýmit. *Kakasynyň, ejesiniň kino görersiň, doňdurma iýersiň diýip beren ownuk pulundan süýşüribem nyşanjyklar alardy* (G. Şamyýew).

**DOŇDURMAK** [doňdurmok], *işl.* **1**. Doň hala öwürmek, buz halyna öwürmek. *Ýagy doňduryjyda doňdurmak.* **2**. Gaty üşetmek, doňara getirmek. *Bu jaýda otursaň-a sowuk halys doňdurjak.* **3**. Hereketden galdyrmak, hereketlenmäge mejaly bolmaz ýaly etmek.

*Geçiniň çöpürinden işilen üç bükdürme tanap Aýnanyň näzik elleriniň içinden geçipdi, gollaryny doňdurypdy* (B. Kerbabaýew). **4**. *gepl.d.* Ýumruk ýa-da başga bir zat bilen güýçli urmak. *Dulugyna doňdurmak*. *Ýagyrnysyna doňdurmak*. **5**. *göç.m.* Sessiz-üýnsüz gymyldaman durar ýaly etmek, huşuny almak. *Agyr oý Agalyýewi birsalym doňdurdy* (B. Kerbabaýew). **6**. *maliýe*. Hasapdaky pul serişdelerini we beýleki gymmatly kagyzlary şol öňki bolşunda hereketsiz galdyrmak. *Kärhananyň bankdaky hasabyny doňdurmak.*

**DOŇDURYLMAK** [doňdurulmok], *işl.* **1**. Sowukda doň halyna öwrülmek, buza öwrülmek. *Soýlan mallaryň eti äpet doňduryjylarda doňdurylýar.* **2**. Gaty üşedilmek. **3**. Ýumruk ýa-da başga bir zat bilen gütledip urulmak. *Sen diýleni edeniňden, ýeňsäňe doňdurylanyňy gowy görýäň öýdýän!* **4**. *maliýe.* Hereketsiz galdyrylmak.

**DOŇMA** [doňmo], *iş ady.* Doňmak ýagdaýy.

**DOŇMAK** [doňmok], *işl.* **1**. Buza öwrülmek, buz halyna geçmek. *Ýabyň düýbündäki suwlaryň gyralary doňup ugrapyr* (B. Seýtäkow). **2**. Daşky sowuk howanyň täsirinde buza dönüp gatamak. *Ýer bolsa edil daş ýaly doňupdy* ("Edebiýat we gungat"). **3**. Hereketden galmak, gymyldap bilmän durmak. **4**. *gepl.d.* Gaty üşemek. *Howa sowuk eken, elim-aýagym doňaýdy.* **5**. *gepl.d.* Serhoş ediji içgileri öte köp içip, lül-gammar bolmak, serhoş bolmak.

**DOŇMAKLYK** [doňmokluk], *iş ady.* Doňmak hal-ýagdaýy.

**DOŇŇARADAŞ** [doňňoroda:ş]: **doňňaradaş bolmak** doňan ýaly bolup, gymyldaman durmak. *Ahyry şol doňňaradaş bolup oturyşyna sarsman: – Sen meniň kellämi gemirjek bolýansyň weli, dişiň ötmez, şony bil! – diýip, bir gaňrylyp seretdi (H. Derýaýew).*

**DOŇUBERMEK** [doňuvermek], *işl.* Doňup başlamak, doňup ugramak.

**DOŇUŞ**, *iş ady.* Doňmak ýagdaýy.

**DOŇUZ**, *at.* **1**. Ýogyn bedenli, gysga aýakly, goşa toýnakly süýdemdiriji haýwan. *Il aglak bolsa, doňuz depä çykar* (Nakyl). *Doňuz ölse-de, hor-hory ýatmaz* (Nakyl). *Obanyň bir topar doňzy köne ýabyň içindäki batgalyga gelip togalanypdyr* (Ö. Abdyllaýew). **2**. *göç.m.* Ýagşyny-ýamany seljermeýän adam hakynda aýdylýan sögünç söz. – *Bar belanyň körügi sendedir, haramzada, enesi sen bolsaň, gyzyňam şeýle bolýandyr, doňuz – diýip, hemme gaharyny aýalyna baka öwürdi* (A. Gowşudow).

◊ **Doňuz diňini salmak** gymyldaman, diň salyp durmak, diňşirgemek. *Ol böwrüne doňuz diňini salýar, bagşysyna gözlerini agdaryp seredýär* (N. Saryhanow). **Doňuz giren (dören) ýaly etmek** agdar-düňder etmek, ýykan-ýumran etmek. *Howlynyň içini doňuz dören ýaly etdiler, hiç zat diýmedim* (B. Seýtäkow). **Doňzuň agy näme**, **garasy näme** duşmanyň, ýaramaz zadyň biri-birinden tapawudy ýok, hemmesi bir. **Doňzy batgada bas!** duşmanyňy aljyraňňy wagty güpbassy et, daşyna geç.

**DOŇUZBURUN** [doňuzvurun] **I**, *at, dokm*. Halylara salynýan labyr şekilli nagyş.

**DOŇUZBURUN** [doňuzvurun] **II**, *at.* Gylýalyň toýnagynyň ýokary gapdalyna çykýan ýara.

**DOŇUZDAR** [doňuzza:r], *at.* Doňuzlary ösdürip ýetişdirmek bilen meşgullanýan adam, işçi, doňuz-darçylykdan hünärli adam.

**DOŇUZDARÇYLYK** [doňuzza:rçylyk], *at.* Oba hojalygynyň bir pudagy hökmünde doňuzlary ösdürip ýetişdirmeklik.

**DOŇUZDARLYK** [doňuzza:rlyk], *at.* Doňuzdaryň käri, ýagdaýy.

**DOŇUZGATAŇŇYR** [doňuzğataňňyr], *at.* Irimçik däneli, köki ýumruk ýalyrak kösükli ot. *Ýabagan, doňuzgataňňyr, dänegerçek, adyýaman, süýtleňňiç ýaly biderek har-haşal otlardan başga bu ýerde hiç zat ýokdy* (A. Gowşudow).

**DOŇUZGÖZ** [doňuzğöz], *at.* Mallary tutmak ýa-da saklamak üçin aralary ýygy gazylan çukurlar.

**DOŇUZLYK** [doňuzluk], *at.* Erbetlik, nejislik.

**DOŇUZTOPALAK** [doňuztopolok], *at.* Inçe, uzyn ýaprakly, köki goňurrak kösükli haşal ot, topalak.

**DOPBA-DOGRY** [dopbo-doğry], *syp., ser.* **Dos-dogry**.

**DOP-DOGRY** [dop-doğry], *syp., ser.* **Dos-dogry**.

**DOP-DOLY** [dop-do:ly], *syp., ser.* **Dos-doly**.

**DOR** [do:r], *syp.* Gyzgylt-mele (atyň reňki hakynda). *Dor ata münen Mämik her gezek öwrüm edende, gamçyny bulaýlap, alagykylyk edýärdi* (R. Gelenow).

**DORAK** [dorok], *at.* Aýrandan edilen ýagsyz süzme.

**DORDEPEL** [do:rdepel], *syp.* Maňlaýy sakar dor at. *Edil bile biten ýaly, Dordepeliň sagrysyna, Ogulla gyz düşüberdi* (K. Gurbannepesow). *Ol ata Dordepel diýýärdiler* (A. Gowşudow).

**DOS-DOGRY** [dos-soğry], *syp.* Örän dogry, dop-dogry, göni. *Gara dos-dogry bärik gelýär.*

**DOS-DOLY** [dos-so:ly], *syp.* **1**. Pürepür bolup duran, erňegine çenli doly. *Suw çelegi agzyna çenli dos-doludy.* **2**. Hyryn-dykyn, örän köp üýşen. *Şäheriň medeniýet we seýil bagy gezelenç edýän adamlardan dos-doludy.*

**DOSENT** [dose:nt], *at.* Ýokary okuw mekdebinde professordan kiçi alymlyk ady.

**DOST** [do:s], *at, syp.* **1**. Biri bilen dostluk gat-naşygyny edýän adam. *Dost dostuň aýnasydyr* (Nakyl).

*Dostuň bürgüt bolsa daglara* elter (K. Gurbannepesow). **2**. Tarapdar, raýdaşlyk bildiriji. **3**. Ýoldaşyňa ýa-da başga birine ýüz tutulyp aýdylýan söz. *Dost, sen, gowusy, öz ýazan eseriňi okaý!* (Ö. Abdyllaýew).

**DOSTANA** [do:ssa:na], *syp., ser.* **Dostlukly**.

**DOSTLARÇA** [do:slorço], *hal.* Dost hökmünde. *Meniň dostlarça maslahatyma gulak assaň, sen häziriň özünde atlan, bar, näme diýýä – eşit* (B. Kerbabaýew).

**DOSTLAŞDYRMAK** [do:sloşdurmok], *işl.* Dost etmek, dostluk aragatnaşygyny açdyrmak. *Şol ikisini tanyşdyran, dostlaşdyran şol okuw jaýydy* (B. Kerbabaýew).

**DOSTLAŞMA** [do:sloşmo], *iş ady.* Dostlaşmak ýagdaýy.

**DOSTLAŞMAK** [do:sloşmok], *işl.* Biri bilen dost bolmak, dostluk aragatnaşygyny açmak.

**DOSTLAŞYBERMEK** [do:sloşuvermek], *işl.* Dostlaşyp başlamak, dostlaşyp ugramak.

**DOSTLUK** [do:sluk], *at.* **1**. Dostlara mahsus bolan ýakyn gatnaşyk. *Şunun ýaly ýerde men ony goldamasam, hany meniň oňa dostlugym, hany doganlygym?!* (B. Kerbabaýew). **2**. Lebap welaýatynda bir etrap.

**DOSTLUK-DOGANLYK** [do:sluk-doğonluk], *at.* Dostlukly, has ýakyn gatnaşyk.

**DOSTLUKLY** [do:slukly], *syp.* Dostluk gatnaşygyna esaslanan, dostana. *Dostlukly döwlet. Dostlukly gatnaşyk.*

**DOSTPARAZ** [do:sparaz], *syp.* Dostuň bähbidini has ýokary tutýan, dostunyň bähbidini ileri tutýan.

**DOSTPARAZÇYLYK** [do:sparazçylyk], at, *ser.* **Dostparazlyk**.

**DOSTPARAZLYK** [do:sparazlyk], *at.* Dostuň bähbidini has ýokary tutmaklyk, olary aýratyn goldamaklyk.

**DOSTSURAMAK** [do:ssuromok], *işl.* Dost bolan bolmak, özüňi hakyky dost ýaly görkezjek bolmak.

**DOST-ÝAR** [do:s-ýa:r], *at.* Ýakyn dostluk gatnaşygynda bolan adamlar. *Artygyň dost-ýarlary, tanyş-bilişleri ýygnanyp, Artygy uly dabara, aýratyn höwes bilen garşy aldylar* (B. Kerbabaýew).

**DOST-ÝARLYK** [do:s-ýa:rlyk], *at.* **1**. Ýakyn dostluk gatnaşygynda bolmaklyk. **2**. *göç.m.* Tarapgöýlik, dostparazlyk.

**DOWA** [dowa:], *at.* Däri-derman, em. *Her bir sözüň dowadyr meniň dertli janyma* (Talyby).

**DOWAM** [dowa:m], *at.* **1**. Bir zadyň gutarylman, tamamlanman galan bölegi, yzy. *Hekaýanyň dowamy bar.* **2**. Bir zadyň, gymyldy-hereketiň geçýän wagty, döwri, mütdeti. *Türkmen halky köp asyrlaryň dowamynda şygryýetiň çeper we gözel nusgalaryny döredipdir.*

**DOWAMAT** [dowa:mat], *at.* Hemişe, elmydam, üznüksiz wagt. *Dowamat jigerim duzlar içinde* (Kemine). *Dowamat istär men ol gaşy ýaýy* (Mollanepes).

**DOWAMLY** [dowa:mly], *syp.* Yzyny üzmän, yzy üzülmän, üznüksiz, birsydyrgyn. *Garaşsyz Türkmenistan bilen garaşsyz Russiýanyň özara gatnaşyklarynyň taryhy wagt boýunça onçakly dowamly hem bolmasa, mysal getirmek üçin ýeterlikdir* ("Türkmenistan").

◊ **Dowamly öten zaman işligi** (*dil b.*) bir işiň, gymyldy-hereketiň birnäçe wagt dowam edendigini aňladýan işlik formasy.

**DOWAMLYLYK** [dowa:mlylyk], *at.* **1**. Üznüksizlik, birsydyrgynlyk, yzy üzülmezlik. **2**. Uzynlyk. *Adam ömrüniň dowamlylygy.*

**DOWAMSYZ** [dowa:msyz], *syp.* Dowamy, yzy bolmadyk, üznüksiz dowam etmeýän, wagt taýdan dowamly däl.

**DOWAMSYZLYK** [dowa:msyzlyk], *at.* Uzak dowam etmezlik, köp wagta çekmezlik, az wagtlyk.

**DOWAR** [dowor], *at.* Goýunlaryň, geçileriň umumy ady, şahly ownuk mal, janly. *Dowar sürüleriniň arasynda bolsa owlak-guzularyň gulaga ýakymly sesleri eşidilýärdi* (B. Gulow).

**DOWARÇYLYK** [doworçuluk], *ser.* **Dowardarçylyk**. *Oba maldarçylygynda dowarçylyk esasy orunlaryň birini tutýar.*

**DOWARDAR** [doworda:r], *at.* Dowar, ownuk mal ösdürip ýetişdirmek bilen meşgul bolýan adam. *Etrabymyzyň dowardarlary ajaýyp üstünlikler gazandylar.*

**DOWARDARÇYLYK** [doworda:rçylyk], *at.* Maldarçylygyň goýun, geçi ýaly dowarlary ösdürip ýetişdirmek bilen mesgullanýan pudagy.

**DOWÇA** [dowço], *at*, *ösüml.d.* Bişmedik, suwy süýjemedik gök erik.

**DOW-DOW**, at, *ser.* **Dowul**. *Il arasynda dow-dow ýaýrady*.

◊ **Dow-dowa düşmek** – howsala düşmek, galagopluk aralaşmak. *Oba adamlary ol habary eşidip, dow-dowa düşdüler.*

**DOW-DOWLY**, *syp.* **1**. Howsalaly, galagoply, gopgunly, dowully. *Dow-dowly ýaramaz habar tiz ýaýragyç bolýar.* **2**. *göç.m.* Şowhunly, şagalaňly; çendenaşa mahabatlandyrylýan. *Dow-dowly toýuň dabarasy uzak dowam etdi.*

**DOW-DOWSUZ**, *syp.* Howsalasyz, galagopsuz, gopgunsyz. *Dow-dowsuz, juda gizlin iş alyp barmagy tabşyrypdy* (G. Şamyýew).

**DOWUL I**, *at.* Howsala, galagopluk. *Dowul turuzmak ýangyndan beterdir* ("Edebiýat we sungat").

**DOWUL II**, *at, sazç.* Boýnuňdan asylyp, kakylyp çalynýan saz guraly.

**DOWULÇY**, *at.* Dowul edegen, dowul ýaýradagan; howsalaçy. – *Baý, eje, senem dowulçy-ow (B. Kerbabaýew). Oba arasyndaky käbir dowulçy ýaramaz adamlar oňa şyltak ýapýardylar* (N. Pomma).

**DOWULLY**, *syp.* Howsalaly, galagoply.

**DOWZAH** [dowzoh], *at.* Dini düşünjä görä, adam ölenden soň, eden günäsi üçin onuň janynyň ,,o dünýäde" jezalandyrylýan ýeri, jähennem tamy. *Dowzah meni ýaka bilmez, Ýanyp men ataşlaryňa* (Mollanepes).

◊ **Dowzah ody** o dünýäde günälilere jeza bermek üçin ýanýan ot.

**DOWZAHY** [dowzohy], *syp.* Dowzaha barmaly, günäli. *Dowzahy diýer sen dutar çalany, Behişdi eýlär sen hüşür alany* (Kemine).

**DOWZAHYLYK** [dowzohuluk], *at.* Dowzaha degişlilik.

**DOÝA** [doýo], *hal.* **1**. Doýýançaň, dok bolar ýaly, doýarlyk. *Ol hem gaýta doýa nandan doýurman, Urup-sögüp endamyndan burardy* (N. Pomma). **2**. *göç.m.* Ýeterlik, geregiňçe, ine-gana, arkaýyn. *Ýazyjynyň doýa dynç alýan wagty ýok* ("Edebiýat we sungat").

**DOÝA-GANA** [doýo-ğa:na], *hal.* Arkaýyn, ine-gana, doýa, geregiňçe, mazaly. *Ak öýüň içine düýphalym düşäp, Doýa-gana synlarmykam, Artyk jan!* (B. Kerbabaýew).

**DOÝAGARNA** [doýoğarna], *hal.* Doýýança. *Sygyrlar doýagarna ýokumly iýmler bilen iýmitlendirilýär.*

**DOÝAR-DOÝMAZ** [doýor-doýmoz], Ýarym aç, ýarym dok, doýa däl.

**DOÝGUN** [doýğun], *syp.* **1**. *him.* Düzüminde haýsy hem bolsa öte reňk beriji jisim bar bolan (reňk hakda). *Doýgun reňk.* **2**. *göç.m.* Birinden ýa-da bir zatdan irgin, bizar bolan. ... *Aýalynyň dünýäden doýgun halda oturyşy Sähet aganyň ýüregini gyýdy* ("Edebiýat we sungat").

**DOÝGUNLAŞMAK** [doýğunloşmok], *işl.* Doýgun bolmak, ýeterlikli ganyşmak.

**DOÝGUNLYK** [doýğunluk], *at.* **1**. *him.* Doýgun, dok bolmaklyk. **2**. *göç.m.* Birinden ýa-da bir zatdan irginlik, bizarlyk, dokluk. *Onuň sözlerinde köne agalaryndan doýgunlyk syzylýardy* (G. Kulyýew).

**DOÝMA** [doýmo], *iş ady.* Doýmak ýagdaýy.

**DOÝMAK** [doýmok], *işl.* **1**. Ýeterlik naharlanmak, nahardan bolýançaň iýmek; ýeterlik iýmitlenip bilmek. **2**. *göç.m., gepl.d.* Bikanun ýol bilen pul gazanyp, baý bolmak, köp zat edinmek, baýlaşmak. *Olam bir doýanlaň biridir, biz ýaly paşmagyny süýräp ýörenler gözüne ilmez.* **3**. *göç.m.* Mähriň ganmak, lezzet almak, kanagatlanmak. *Bakyban mähriňden doýsam, bagybossan istemen* (Magtymguly). **4**. *göç.m.* Bizar bolmak, irmek, halys ýadamak. *Lebap boýy buýandyr, Dilegimi duýandyr, Meniň ýarym gelmedi, Belki menden doýandyr?* (N. Pomma).

◊ **Doýup galmak** bikanun ýol bilen örän baý bolmak. *Ol bir pully edara başlyk bolup, doýup galypdyr diýýärler.*

**DOÝMAKLYK** [doýmokluk], *iş ady.* Doýmak ýagdaýy.

**DOÝMAZAK** [doýmozok], *syp.* **1**. Nahardan, doýar ýerde doýmaýan, doýmaz-dolmaz, hajymelik. **2**. Suw we ş.m. zat bilen gandyryp bolmaýan (ýer hakynda). *Bu ýeriň doýmazakdygyny, näçe suw berseňem sorup ýatyr.* **3**. *göç.m.* Hiç zatdan gözi doýmaýan, tapan baýlygyny öz haýryna geçirýän, kanagatsyz, açgöz.

**DOÝMAZAKLYK** [doýmozokluk], *at.* Doýmazak halda bolmaklyk. *Çar tarapyna doýmazaklyk bilen garanjaklaýardy* (A. Nazarow).

**DOÝMAZ-DOLMAZ** [doýmoz-zo:lmoz], *syp., ser.* **Doýmazak**. *Gelin-gyzlaryň şaý-sepleri hem şolaryň doýmaz-dolmaz sandygyna gelip girýärdi* (B. Kerbabaýew).

**DOÝMAZLYK** [doýmozluk], *iş ady.* Doýmak katdyna ýetmezlik, doýýançaň iýmezlik. *Dok çaýkanman, aç doýmaz* (Nakyl). *Hersene jan, hersene, Elim urdum kersene, Iýdim, içdim, doýmadym, Ýene bolsa bersene* (Monjugatdy).

**DOÝNUŞMAK** [doýnuşmok], *işl.* Kem-kemden doýmak, iýesi gelip durmazlyk. *Çagalaram indi bol bolansoň, çal-çapyrdan doýnuşypdyr.*

**DOÝRULMAK** [doýrulmok], *işl.* Doýýança iýdirilmek, geregiçe iýdirilmek.

**DOÝUBERMEK** [doýuvermek], *işl.* Doýup başlamak, doýup ugramak.

**DOÝUM**, *at.* Doýmaklyk derejesi, kanagat. *Bil, ynsan ogluna maldan doýum ýok, Ýagşy geýip, ýagşy iýmek biläni* (Magtymguly).

**DOÝUMLYK** [doýumluk], *syp.* Doýmaga ýeterlik (mukdar). *Doýumlyk çörek.*

**DOÝUNMAK** [doýunmok], *işl.* Ýüregiň kanagatlanmak, ganmak, görüp doýmak, dokunmak. *Gözel görküň gökde günden aýynmaz, Güli, dessembili ysgan doýunmaz* (Magtymguly). *Onuň şol zatlara gözi gidýärdi, hiç wagtda şol zatlardan doýnup-da bilmeýärdi* (B. Kerbabaýew).

**DOÝURMA** [doýurmo], *iş ady.* Doýurmak ýagdaýy.

**DOÝURMAK** [doýurmok], *işl.* Doýýança iýdirmek, naharlamak. *Saýa bolar mätäçlere nan berseň, Bir ajy doýurmak haçdyr, ýaranlar!* (Magtymguly).

**DOÝURMAKLYK** [doýurmokluk], *iş ady.* Doýurmak ýagdaýy.

**DOÝUŞ**, *iş ady.* Doýmak ýagdaýy.

**DOÝUŞMAK** [doýuşmok], *işl.* Kem-kemden doýmak, dura-bara doýmak, doýaňkyrlamak.

**DÖKDÜRMEK** [dökdürmök], *işl.* Dökmäge mejbur etmek, bir zady bir ýere guýdurmak, eltip agdartmak. *Ders dökdürmek. Kül dökdürmek.*

**DÖKE-DÖKE** [dökö-dökö], *hal.* Yzyny üzmän, birsyhly döküp, saça-saça, akdyra-akdyra. *Bala sesin diňlär, asyp gulagyn, Döke-döke göz ýaşynyň bulagyn* (Magtymguly).

**DÖKÄN-SAÇAN** [dökä:n-saça:n], *hal.* Dökülişip, pytraşyp ýatan, akan-dökän.

◊ **Dökän-saçan etmek (bolmak)** döküp-saçmak, bisarpa tutmak, bisarpa tutulany sebäpli akan-dökän bolmak. *Şeker eje çaýly käsesini dökän-saçan edip ýerde goýdy* (A. Nazarow).

**DÖKÄN-SAÇANLYK** [dökä:n-saça:nlyk], *at.* Akan-dökänlik, ýaýrap ýatanlyk; bisarpalyk. *Dökän-saçanlyk bolmasyn.*

**DÖKME** [dökmö], *iş ady.* Dökmek ýagdaýy.

**DÖKMEK** [dökmök], *işl.* **1**. Bir zady bir ýere guýmak, agdarmak. *Ol bugdaýly çuwaly göterip, gapanda çekip, ammara dökdi* (A. Durdyýew). **2**. Sepmek, pytratmak, dargatmak, ýaýratmak. *Ekin meýdanlaryna gyş suwuny tutmak, dökün dökmek, gumdan odun çekmek ýaly işler ýatdan çykdy* (B. Seýtäkow). **3**. Gabyň içindäkini çykaryp aýyrmak, boşatmak. *Jigitler çuwallaryň ýarar goşlaryny dökmek bilen bile, Babahan arçyny agtardylar* (B. Kerbabaýew). **4**. Deşilenligi ýa-da sepi açylanlygy we ş.m. sebäpli suwuklyk goýbermek, akdyrmak, syzdyrmak. *Çelek birneme dökýär. Maşyn ýag dökýär.* **5**. Barlamak maksady bilen agtarmak. *Şatyr beg olara: – Döküň öýi! – diýip buýruk berdi-de, alňasak yzyna dolandy* (G. Kulyýew). **6**. Ýapragyny, gülüni gaçyrmak, düşürmek. *Howa sowap, agaçlar ýapragyny dökdi.* **7**. Mal-garany naharlamak üçin öňüne ot we ş.m. oklamak, bermek. *Mallaryň öňüne ot dökdüm.* **8**. Üstüňe sepmek. *Men penjegime, saçyma atyr dökdüm.* **9**. *göç.m.* Saçmak, ýaýratmak. *Alabaharyň mylaýym güni Garaguma ölçegsiz nuruny döküp başlady* (B. Kerbabaýew).

◊ **Günäňi dökmek** günäden arassalanmak, günäden saplanmak. *"Günämizi dökeli" diýip, ol gyz jorasy bilen hiňňildige münüp, uçup ugrady.* **Içiňi dökmek** ýüregiňdäki duýgyňy daşyňa çykaryp aýtmak, aýan etmek. *Ol dostuna içini döküp, özüni basmarlaýan aladalardan dynmaga çalyşdy.*

**DÖKMEKLIK** [dökmöklük], *iş ady.* Dökmek ýagdaýy.

**DÖKÜBERMEK** [döküvermek], *işl.* Döküp başlamak.

**DÖKÜL-DÖKÜL** [dökül-lökül]: **dökül-dökül bolmak** içi suwly ýa-da suwuk zat guýlan gap ernegine çenli dolansoň, döküljek bolup durmak.

**DÖKÜLIBERMEK** [dökülüvermek], *işl.* Dökülip başlamak, dökülip ugramak.

**DÖKÜLIŞ** [dökülüş], *iş ady.* Dökülmek ýagdaýy.

**DÖKÜLME** [dökülmö], *iş ady.* Dökülmek ýagdaýy.

**DÖKÜLMEK** [dökülmök], *işl.* **1**. Bir ýere guýulmak, agdarylmak. *Nebitiň ýere dökülip başlanyny gördüm-de, saňa ýalançyrak bolmaly bolaýdym-da* (B. Pürliýew). *Çäge dökülen ýeriň kese töwereginde kiçijik uzyn oturgyçlar bardy* (B. Annageldiýew). **2**. Gaçmak, ýolnup aýrylmak, düşmek. *Ol ýapraklar bolsa şemalyň zarbyna paýraşyp dökülýärdi* (B. Gulow). **3**. Akmak, çykmak. *Onuň gözlerinden boýur-boýur ýaş döküldi* (B. Seýtäkow). **4**. Köp bolup çozmak; toplanyşyp gelmek. *Aç daýhan şähere dokülýär* (B. Kerbabaýew). *Oba ýagy dökülmek.*

**DÖKÜLMEKLIK** [dökülmöklük], *iş ady.* Dökülmek ýagdaýy.

**DÖKÜN I**, *at.* Hasyllylygy ýokarlandyrmak üçin ekin ýerlerine dökülýän jisim, ders, çüýrüntgi. *Gowaçalar ýerli dökünler bilen iýmitlendirildi.*

**DÖKÜN II**, *at, gepl.d.* Gaty köp, gereginden artyk, bol. *Gardaş, geregiň gawun-garpyz bolsun, dökün bolup ýatyr.*

**DÖKÜNJIREMEK** [dökünjürömök], *işl.* Şkafyň, torbanyň we ş.m. içindäkileri daşyna çykaryşdyryp, bir zat gözlemek. *Dökünjiräp, çuwaldan näme gözleýäň?*

**DÖKÜNLEME** [dökünlömö], *iş ady.* Dökünlemek ýagdaýy, işi.

**DÖKÜNLEMEK** [dökünlömök], *işl.* Ekiljek ýere, ekine dökün dökmek, dökün sepmek, dökün bermek.

**DÖKÜNLEMEZLIK** [dökünlömözlük], *iş ady.* Ekiljek ýere, ekine dökün dökmezlik, dökün sepmezlik, dökün bermezlik.

**DÖKÜNLENMEK** [dökünlönmök], *işl.* Ekiljek ýere, ekine dökün dökülmek, dökün berlip, ýeriň mesligi artdyrylmak. *Dökünlenen meýdan.*

**DÖKÜNLEŞDIRMEK** [dökünlöşdürmök], *işl.* Ekiljek ýeri, ekiniň içini dökünläp çykmak.

**DÖKÜNLEŞMEK** [dökünlöşmök], *işl.* **1**. Dökün döküşmek, dökün dökmäge kömekleşmek. *Men goňşymyzyň ekin ekjek ýerini dökünleşdim.* **2**. Birnäçe adam bolup dökünlemek. *Daýhanlar gowaça ekiljek meýdany dökünleşip ýördüler.*

**DÖKÜNLETMEK** [dökünlötmök], *işl.* Dökünlemek işini başga birine etdirmek, ekiljek ýere, ekine dökün dökdürmek. *Men inime mellegi dökünletdim.*

**DÖKÜNLEÝIŞ** [dökünlöýüş], *iş ady.* Dökünlemek ýagdaýy.

**DÖKÜNLÄBERMEK** [dökünlä:vermek], *işl.* Dökünläp başlamak.

**DÖKÜNMEK** [dökünmök], *işl.* Öz üstüňe sepmek, öz üstüňe pürkmek, dökmek. *Üstüňe atyr dökünmek.*

**DÖKÜŞ**, *iş ady.* Dökmek ýagdaýy.

**DÖKÜŞDIRMEK** [döküşdürmök], *işl.* **1**. Barlamak, gözläp tapmak üçin agtaryşdyrmak, akan-dökän, ag-dar-düňder edişdirmek. *Ol kitap gözläp, tekjeleri döküş-dirdi.* **2**. Doly gaplary boşadyşdyrmak, döküp çykmak.

**DÖKÜŞMEK** [döküşmök], *işl.* **1**. Dökmäge, guýmaga kömek etmek. *Ders döküşmek.* **2**. Gözlemäge kömek etmek, barlamaga, agtarmaga kömekleşmek.

**DÖL**, *at.* **1**. Erkeklik agzasyndan bölünip çykýan tohum, tohumlyk. **2**. Gawun-garpyz, pomidor, hyýar ýaly gaýtalap düwýän ekinleriň bir tapgyr berýän hasyly. *Heniz dölüni sabamadyk pomidorlaryň gök biýaralary gyşaryşyp ýatyrdy* (A. Gowşudow). **3**. Goýun-geçi ýaly ownuk janlylaryň guzlamagy. *Şu wagt janly sanym ýigrimiden aşdy, emma indiki döle çenli şolaryň ýarysyny saklap bilsem hem zor boldugym* (G. Kulyýew). **4**. *göç.m.* Çaga, ogul, dogma. *Sen eger meniň dölüm bolsaň, maňa gulak as: "Oglany ýaşdan, aýaly başdan" diýendirler* (B. Kerbabaýew).

◊ **Döl almak** goýun-geçiniň guzlaýan wagty owlak-guzy almak işini ýerine ýetirmek. *Nepes agany goýunlardan döl almaga iberdik* (A. Gowşudow).

**DÖLE** [dölö], *at.* Mal saklamak we gyşlatmak üçin, köplenç, ýerden gazylyp, üsti basyrylýan jaý, ýerdöle. *Dölelerden bugaryşyp çykan sygyr-göleler syňraklaryny silkişip, tirkeşip otlamaga meýdana gidýärdiler* (A. Durdyýew).

**DÖLLEME** [döllömö], *iş ady.* Döllemek ýagdaýy.

**DÖLLEMEK** [döllömök], *işl.* **1**. Goýun-geçiniň guzlap başlamagy, döle durmak. *Bu ýaşuly çopanyň sürüsi "Gamakly oý" diýen ýerde dölleýärdi.* **2**. Düwüp hasyla durmak (gawun-garpyz, hyýar we ş.m. hakynda). *Gawun ýaly güllesin, Türşek ýaly döllesin* (G. Kulyýew).

**DÖMME** [dömmö], *iş ady.* Dömmek ýagdaýy.

**DÖMMEK** [dömmök], *işl.* **1**. Deriden aşakda iriňli çiş döremek; içinden çiş döremek. *Onuň alkymynyň aşagyndan bir çiş dömüp çykypdyr*. **2**. *göç.m.* Pikirini edip, aýdyp bilmän ýören zadyňy aýtmak, içiňi döküp dynmak. *Ol ýigit ahyry çydap bilmän dömdi.*

**DÖMMEKLIK** [dömmöklük], *iş ady.* Dömmek ýagdaýy.

**DÖMÜBERMEK** [dömüvermek], *işl.* Dömüp başlamak, dömüp ugramak.

**DÖMÜŞ**, *iş ady.* Dömmek ýagdaýy.

**DÖNDERILMEK** [dö:nnörülmök], *işl.* **1**. Bir ýüzünden beýleki ýüzüne öwrülmek, agdarylmak. **2**. Yzyna gaýtarylmak, yzyna dolanmak. **3**. Bir tarapa öwrülmek, sowulmak. **4**. Bir zatdan başga bir zada öwrülmek.

**DÖNDERME** [dö:nnörmö], *iş ady.* Döndermek ýagdaýy.

**DÖNDERMEK** [dö:nnörmök], *işl.* **1**. Bir zady bir ýüzünden beýleki ýüzüne öwürmek, agdarmak. *Sakçy ýatan gawunlary, çüýremez ýaly beýleki ýüzüne dönderdi.* **2**. Yzyna gaýtarmak, yzyna dolamak. *Çoluk sürini yzyna dönderdi.* **3**. Bir tarapa öwürmek, sowmak. *Ol atyň jylawyny perizada baka dönderdi* ("Görogly"). **4**. Bir zady başga bir zada öwürmek, başga bir zat ýaly etmek. *Adamlaryň demi içerini peçli tama dönderipdi* (A. Gowşudow).

**DÖNEJIN** [dönöjün], *at.* Dört ýaşynyň içindäki baýtal.

**DÖNEN** [dönön], *at.* Dört ýaşynyň içindäki at.

**DÖNME** [dö:nmö], *iş ady.* Dönmek ýagdaýy. *Geçen günler galýar duralgalarda, Indem oňa asyl-asyl dönme ýok* (G. Ezizow).

**DÖNMEK** [dö:nmök], *işl.* **1**. Bir tarapyňdan beýleki tarapyňa agdarylmak. *Ol derrew beýlesine döndi* (B. Kerbabaýew). **2**. Yzyňa dolanmak, öwrülmek. *Şu ýoldan yzyňa döndügiň öldügiňdir* (B. Seýtäkow). **3**. Başga bir tarapa öwrülmek. *Ýygyndy "goşun" ädim urmasyny bilmän, saga diýende – çepe, çepe diýende – saga döndi* (B. Kerbabaýew). **4**. *göç.m.* Bir zatdan başga bir zada öwrülmek, başga bir zat ýaly bolmak. *Bir mahallar çaňap ýatan düzlük ýer indi bag-bakjalyga, giden gowaçalyga dönüpdir* ("Edebiýat we sungat"). *Emma asman gysgançlyk edip, ýyl gurak gelende, gatan ýer hem çaryga dönýärdi, ýerden nowa gögermeýärdi* (B. Kerbabaýew). **5**. *gepl.d.* Pikiriňden, öňki bolşuňdan dänmek. *– Öň bir zat diýýärdiň, indem başga zat diýýärsiň, senem az ýerde dönüberýäň?!* **6**. *göç.m.* Mähir, arzuw bildirmek üçin "gurban bolaýyn, aýlanaýyn" ýaly manyda ýüzlenilip aýdylýan söz. *Diliňe döneýin, özüňden habardar bol* (B. Seýtäkow).

**DÖNMEKLIK** [dö:nmöklük], *iş ady.* Dönmek ýagdaýy.

**DÖNÜBERMEK** [dö:nüvermek], *işl.* Dönüp başlamak.

**DÖNÜK** [dö:nük], *syp.* **1**. Watanyna, halkyna dönüklik eden adam, haýyn. **2**. Beren sözünde, eden ähtinde tapylmaýan, biwepa.

**DÖNÜKÇILIK** [dö:nükçülük], *at, ser.* **Dönüklik**. *"Ýurdy belet çapar" diýen ýaly, öz ýurduna dönükçilik edip daga çykanlar, ileri hanlarynyň buýrugy bilen yzyna özi ýaly elli atly, ýüz atly garakçylary tirkäp gelýärdiler, buljum jarlarda,böwserlerde, ýykyk harabalarda bukulyp, ýol saklaýardylar, iki-ýeke gije ýolagçylaryny tutup, "olja" diýip alyp gidýärdiler* (A.Gowşudow).

**DÖNÜKLIK** [dö:nüklük], *at.* **1**. Öz watanyňa, halkyňa hyýanat etmeklik, haýynlyk. *Maňa her hili at daksalaram, men öz ýurduma hiç wagt dönüklik eden däldirin* (A. Gowşudow). **2**. Beren sözüňde, eden ähtiňde tapylmazlyk, biwepalyk.

**DÖNÜM** [dö:nüm]: **dönüm etmek** belli bir ara-lykda öwrüm etmek. *Atbaşçylar Halnazaryň hatarynyň*

*üstünden dönüm etdiler* (B. Kerbabaýew). **Ýyl dönümi** *ser.* **Ýyl**.

**DÖNÜŞ** [dö:nüş], *iş ady.* Dönmek ýagdaýy.

**DÖRDEM** [dö:rdöm], *at.* Bir garyndan bir wagtda dogan dört sany çaga, owlak, guzy.

**DÖRDÜNJI** [dö:rdünjü], *san.* 4 sanyndan ýasalan tertip san. *Dördünji jaý. Dördünji oktýabr.*

◊ **Dördünji gün** *gepl.d.* – Penşenbe.

**DÖRDÜRIBERMEK** [dö:rdürüvermek], *işl.* Dördürip başlamak, dördürip ugramak.

**DÖRDÜRMEK** [dö:rdürmök], *işl.* Dörmek işini birine etdirmek, dörmäge mümkinçilik bermek, bir zady eýläk-beýläk agdaryp, gorjap, öwrüp barlatmak, agtartmak. *Dökülen hapa-hupalaryň arasyny dördürip çykdy, emma hiç zat tapmady.*

**DÖREDIBERMEK** [dörödüvermek], *işl.* Döredip başlamak.

**DÖREDIJI** [dörödüjü], *syp.* Döredijilik işi bilen meşgullanýan (adam hakda). *Mukam döredijі sazanda.*

**DÖREDIJILIK** [dörödüjülük], *at.* Bir zady döretmek, ýüze çykarmak, öndürmek ukyby, oýlap tapyjylyk. *Şu ýyl döredijilik babatda meniň üçin iňňän gyzgalaňly ýyl boldy* ("Edebiýat we sungat").

**DÖREDIJILIKLI** [dörödüjülüklü], *syp.* Döredijilik bilen baglanyşykly, oýlap tapyjylykly. *Döredijilikli zähmet. Döredijilikli işlemek.*

**DÖREDILMEK** [dörödülmök], *işl.* Emele getirilmek. *Jemgyýetçilik guramalary döredilmek. Eser döredilmek.*

**DÖREDIŞ** [dörödüş], *iş ady.* Döretmek ýagdaýy.

**DÖREME** [dörömö], *iş ady.* Döremek ýagdaýy.

◊ **Täze döreme** *ser.* **Täzedöreme**.

**DÖREMEK** [dörömök], *işl.* **1**. Ýokdan bar bolmak, emele gelmek, ýüze çykmak, peýda bolmak. *Az wagtyň içinde birnäçe aýdym-saz toparlary döredi.* **2**. Dünýä inmek, dogulmak, eneden bolmak. *Bu adamlar diňe Akjagülüň bagtyna dörän adamlardy* (B. Seýtäkow).

**DÖREMEKLIK** [dörömöklük], *iş ady.* Döremek ýagdaýy.

**DÖREMEZLIK** [dörömözlük], *iş ady.* **1**. Ýokdan bar bolmazlyk, emele gelmezlik, ýüze çykmazlyk, peýda bolmazlyk. **2**. Dünýä inmezlik, dogulmazlyk, eneden bolmazlyk.

◊ **Döremän geçen!** – "Dünýä inmedik bolsaň bolmaýarmy" diýen manyda ulanylýan käýinç sözi.

**DÖRETDIRMEK** [dörötdürmök], *işl.* Döretmek işini başga birine etdirmek, döretmäge mejbur etmek.

**DÖRETME** [dörötmö], *iş ady.* Döretmek ýagdaýy.

**DÖRETMEK** [dörötmök], *işl.*Ýokdan bar etmek, ýaratmak, emele getirmek, esaslandyrmak. *Sungat eserini döretmek. Garaşsyz Bitarap döwleti döretmek. Iş üçin amatly şert döretmek. Jemgyýetçilik guramasyny döretmek.*

**DÖRETMEKLIK** [dörötmöklük], *iş ady.* Döretmek ýagdaýy.

**DÖRETMEZLIK** [dörötmözlük], *iş ady.* Ýokdan bar etmezlik, ýaratmazlyk, emele getirmezlik, esaslandyrmazlyk.

**DÖREÝIŞ** [döröýüş], *iş ady.* Döremek ýagdaýy. *Eseriň döreýşi gyzykly.*

**DÖRÄBERMEK** [dörä:vermek], *işl.* Döräp başlamak, döräp ugramak.

**DÖRJELEME** [dörjölömö], *iş ady.* Dörjelemek ýagdaýy.

**DÖRJELEMEK** [dö:rjölömök], *işl.* **1**. Yzygiderli dörüp, gorjap durmak. *Ody dörjelemek.* **2**. Ýeri we ş.m. dyrmalamak, gorjalamak. *Adna serdar ýaýbaň sekiniň bir çetinde ýerleşip, gamçysy bilen ýer dörjeläp otyrdy* (G. Kulyýew). **3**. Bir zady tapmak maksady bilen agtarmak, döküşdirmek. *Ol düwünçeklerini dörjelemäge başlady.* **4**. *göç.m.* Gözläp, agtaryp tapjak bolup azar bermek, gorjalamak. *Bu zatlary dörjeläp tapyp ýören Hoşgeldidir* (A. Gowşudow).

**DÖRJELEŞDIRMEK** [dö:rjölöşdürmök], *işl.* Yzly-yzyna dörjelemek, dörjeläp çykmak.

**DÖRJELÄBERMEK** [dö:rjölä:vermek], *işl.* Dörjeläp başlamak, dörjeläp ugramak.

**DÖRJELMEK** [dö:rjölmök], *işl.* **1**. Dörülip garyşdyrylmak. **2**. Bir zadyň içi dörülip başlanmak, agtarylmak. **3**. *göç.m.* Azar berilmek, bir zat barlanyp, soralyp durulmak.

**DÖRJEME** [dö:rjömö], *iş ady.* Dörjemek ýagdaýy.

**DÖRJEMEK** [dö:rjömök], *işl.* **1**. Dörüp garyşdyrmak, dörüp eýläk-beýläk agdarmak, gorjamak. *Ata ýanyp duran ody dörjedi.* **2**. Ýer we ş.m. dyrmamak, gorjamak. *Ol elindäki taýak bilen gary dörjemäge durdy.* **3**. Bir zadyň içini dörüp gözlemek, agtarmak. **4**. *göç.m., ser.* **Dörjelemek 4**. *Agam, seniň özüňi dörjäp, erkiňe goýmasalar durup bolarmy?* (N. Pomma).

**DÖRJEMEKLIK** [dö:rjömöklük], *iş ady.* Dörjemek ýagdaýy.

**DÖRJEŞDIRMEK** [dö:rjöşdürmök], *işl., ser.* **Dörjeleşdirmek**.

**DÖRJEŞMEK** [dö:rjöşmök], *işl.* **1**. Dörjemäge kömekleşmek, dörjeläp eýläk-beýläk agdaryşmak. **2**. Bir zadyň içini dörüp agtarmaga kömek etmek, döküp gözlemek. *Men oňa kagyzlaryň arasyny dörjeşdim.* **3**. *göç.m.* Birnäçe bolup barlap, sorap azar bermek. *Olar kemçilik tapjak bolup, dörjeşip ýörler.*

**DÖRJETMEK** [dö:rjötmök], *işl.* **1**. Dörjemek işini birine etdirmek. **2**. Eýläk-beýläk agdardyp gözletmek, agtartmak. **3**. *göç.m.* Gozgap azar berdirmek, barladyp

durmak. *Ol ähli ýeri dörjedip çykdy, emma eline hiç bir zat ilmedi.*

**DÖRJÄBERMEK** [dö:rjä:vermek], *işl.* Dörjäp başlamak, dörjäp ugramak.

**DÖRJÜK** [dö:rjük]**: gyzyl (ala) dörjük** dörülip çykylan, dörjük-dörjük edilip, dörülip torç edilen. *Olar ýerli-ýerden goş goşup, mahmal ýaly çyg ýeri ala dörjük ederdi* (B. Kerbabaýew). *Täze göçülip gelinjek ýurduň üsti gyzyl dörjükdi* (A. Gowşudow).

**DÖRME** [dö:rmö], *iş ady.* Dörmek ýagdaýy.

**DÖRMEK** [dö:rmök], *işl.* **1**. Eliň ýa-da başga bir zat bilen üýşüp ýatan zatlary eýläk-beýläk agdarmak, garyşdyrmak. **2**. Bir zadyň içinden başga bir zady gözlemek, agtarmak. *Dolmaz petekleriniň ýesiri bolan towuklar demir dyrnaklary bilen tezek dörýärler* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç.m.* Sahypama-sahypa okamak. *Dördüm jugrafiýa kitaplaryny* (K. Gurbannepesow).

**DÖRMEKLIK** [dö:rmöklük], *iş ady.* Dörmek ýagdaýy.

**DÖRMEZLIK** [dö:rmözlük], *iş ady.* Dörmek işini, hereketini etmezlik.

**DÖRT** [dö:rt], *san.* 4 belgisiniň ady we onuň aňladýan sany. – *Kärhanamyz dört etrabyň gallaçylaryndan däne kabul etmeli* ("Türkmenistan").

◊ **Dört aýakly** mal (goýun, geçi, sygyr, düýe we ş.m.). *Töweregine ser saldy, emma dört aýakly gözüne ilmedi* (G. Kulyýew). **Dört simli ganatly egme** *zergärç.* gelinleriň kümşüň ýüzüne gyzyl çaýylan, hakyk gaşlary oturdylan alyn şaýy.

**DÖRTBURÇ** [dö:rtburç], *syp.* Dört burçy bolan. *Pökgen dörtburç möhüriň ýokarsynda basma harplar bilen nika diýlip ýazylan haty zordan okap bildi* (A. Gowşudow).

**DÖRTBURÇLUK** [dö:rtburşluk], *at.* Dört burçly geometrik şekil. *Dörtburçluk – geometrik şekildir.*

**DÖRTGOŞMA** [dö:rtgoşmo]: **dörtgoşma bilezik** dört hatar gaşly bilezik. *Ýylmanan dörtgoşma bilezigi etlek bileklerine dakynyp, kümüşli heýkeli ýanyn dakyndy* (B. Kerbabaýew).

**DÖRTGYRAŇ** [dö:rtgyraň], *syp.* **1**. Dört gyraňy bolan. **2**. *göç.m.* Boýy-ini deň bolan. *Dörtgyraň göwreli, daýaw Goçmyrat birden ýüzüni gündogara öwürdi* (A. Atajanow).

**DÖRTGYRAŇLYK** [dö:rtgyraňlyk], *at.* Dört gyraňy bolan geometrik şekil.

**DÖRTLEME** [dö:rtlömö], *at, edeb.* Her bendi dört setirden düzülen goşgy düzüliş formasy, murapbag.

**DÖRTLÜK** [dö:rtlük], *at.* **1**. Haýsydyr bir zadyň 4 belgi bilen aňladylýan ady. *Dörtlük awtobus.* **2**. Ýetişigiň bäş bally sistemasynda "ýagşy" diýen bahany aňladýan söz. *Hiý, meniň dörtlükden pes baha bilen öýe gelen wagtym boldumy, eje?!* **3**. Käbir zatlaryň ölçegini görkezýän san. *Dörtlük galoş.*

**DÖRTÝAŞAR** [dö:rtýaşar], *syp.* Dört ýaşyň içindäki mal. *Dörtýaşar atlaryň çapyşygy başlady.*

**DÖRÜBERMEK** [dö:rüvermek], *işl.* Dörüp başlamak.

**DÖRÜLMEK** [dö:rülmök], *işl.* **1**. Gorjalyp agdarylmak, peşeläp agdarylmak, gorjalanmak. **2**. Bir zadyň içi agdar-düňder edilip gözlenmek, agdarylmak. *Ýer ujy ýiteldilen taýak, agaç, kätmen bilen dörülýän eken.*

**DÖRÜŞ** [dö:rüş], *iş ady.* Dörmek ýagdaýy.

**DÖRÜŞDIRMEK** [dö:rüşdürmök], *işl.* **1**. Gorjaşdyryp çykmak, agdaryşdyryp çykmak. *Ol käýeri depip gördi, käýeri gamçysynyň ujy bilen dörüşdirip gördi* (B. Seýtäkow). **2**. Gözleşdirip çykmak, agtaryşdyryp çykmak. *Birden aýak çekdi-de, hasyr-husur jübülerini dörüşdirmäge durdy* (G. Kulyýew).

**DÖRÜŞMEK** [dö:rüşmök], *işl.* **1**. Gorjaşyp agdaryşmak, dörmäge kömekleşmek, gorjaşmak, agdaryşmak. **2**. Bir zady gözläp agtaryşmak, gözleşmek.

**DÖŞ** [dö:ş], *at.* Bedeniň gapyrgalary birleşdirýän öň tarapky süňkli bölegi.

◊ **Döşüňe kakmak** men-menlik etmek, öwünmek; ulumsylyk, gopbamsylyk etmek. **Döşüňi gaýşartmak** gujurly, gaýratly bolmak. *Ýel näçe gazaba münse-de, onuň öňünde ýan bermän, döşümi gaýşardyp durjagymy, iň soňunda üstün çykjagymy hem duýdurýan* (B. Kerbabaýew). **Döşüňi germek** janyňy gaýgyrman, mertlerçe goramak. *Döşüňi gerip, Watany goramak.*

**DÖŞDÜŞME** [dö:şdüşmö], *at.* Düýäniň çöküp, soň hem turup bilmezlik keseli.

**DÖŞLEK** [dö:şlök], *syp.* Giň, ýasy döşli, giň kükrekli; göwüslek. *Diňe öňde barýan butlak, döşlek ak maýa äwmän barýardy* (N. Jumaýew).

**DÖŞLEKLIK** [dö:şlöklük], *at.* Ýasy döşlülik, giň kükreklilik; göwüsleklik.

**DÖW I**, *at.* Gündogar rowaýatlaryndaky ägirt güýçli jandar, halk ertekilerindäki hyýaly keşp. *Bir galanyň içinde üç sany baý döw bar eken* ("Türkmen ertekileri").

◊ **Döw çalmak** näme boldy (näme bolduka, näme bolupdyr). *Dört bolup, bir arabany oňarman, size nä döw çaldy?* **Döw ýaly** uly, daýaw, güýçli. *Döw ýaly adam.*

**DÖW II**, *at.* Bir gezek oýnalyp gutarylýan oýun, bir gezekki oýnalýan oýun. *Galan döwler utluşylman goýuldy. Küştçüleriň döwi örän gyzykly we ýiti häsiýetde dowam etdi.*

◊ **Döwi gelmek (sürmek)** işi şowly bolmak, şowuna düşmek, rowaçlanmak. *Seniň, gardaş, bu gün döwüň gelipdir* (T. Taganow). – *Aşyr, men saňa aýtdym ahyry:*

*adamyň döwi sürende, onuň aýdan zadynyň hemmesi mamladyr* (B. Kerbabaýew). **Döwi ökdelik** güýji, mümkinçiligi rüstemlik. **Döwi peslik** güýji asgynlyk, rowaçlygy azlyk.

**DÖWÇI** [döwçü], *at.* Çaga oýunlarynda eşekçiniň tersine, oýunda utan adam ýa-da topar.

**DÖWDÜRMEK** [döwdürmök], *işl.* Döwmek işini birine etdirmek, birine döwmäge mümkinçilik bermek ýa-da döwmäge mejbur etmek.

**DÖWEK** [döwök], *at.* Bugdaý, arpa we ş.m. orlup üýşürilenden soň, ulag ýa-da maşyn bilen döwmek işi, şeýle hem olaryň döwülýän ýeri. *Aty döwek garradar, ýigidi – orak* (Atalar sözi). *Döwek döwmek.*

**DÖWEKÇI** [döwökçü], *at.* Döwek döwýän adam.

**DÖWEŞEK: döweşek etmek (bolmak)** basgylap torç etmek; basgylanyp torç bolmak, depeşek etmek.

**DÖWET** [döwöt], *at, ser.* **Döwet-galam**.

**DÖWET-GALAM** [döwöt-galam], *at.* Syýa çüýşe we hat ýazylýan ýelek, ýüwüş. *Ýaryň waspyn ýazaly, döwet-galam ala gel* (Halk aýdymyndan).

**DÖWJELEMEK** [döwjölömök], *işl.* Abaýlamak, gygyrmak, çöwjemek.

**DÖWJEME** [döwjömö], *iş ady.* Döwjemek ýagdaýy.

**DÖWJEMEK** [döwjömök], *işl.*, *gepl.d.* Üstüne dyzamak, sürünmek, çöwjemek.

**DÖWJEŞIBERMEK** [döwjöşüvermek], *işl.* Döwjeşip başlamak.

**DÖWJEŞMEK** [döwjöşmök], *işl.* Birnäçe bolup bilelikde döwjemek. *Bular nähili adamlar, üstümize döwjeşip durlar.*

**DÖWJETMEK** [döwjötmök], *işl.* Döwjemek hereketini başga biriniň üsti bilen ýerine ýetirtmek, döwjemäge mejbur etmek.

**DÖWJÄBERMEK** [döwjä:vermek], *işl.* Döwjäp başlamak, döwjäp ugramak.

**DÖWKEÇ** [döwköç], *at.* Urgy; gopgun, goh. *Ondan dagy döwkeç baryny görjekdim*.

**DÖWLET** [döwlöt] **I**, *at.* Hökümetiň ýolbaşçylygynda häkimiýete eýelik ediji we ýurdy dolandyryjy edaralar hem-de şol ýurduň özi. *Garaşsyz hemişelik Bitarap Türkmenistan döwleti.*

**DÖWLET** [döwlöt] **II**, *at.* **1**. Uly baýlyk, mal-mülk. *Meniň malym, döwletim hem bar, emma munuň ýaly janly altyn aşygym ýok* (H. Ysmaýylow). **2**. *göç.m.* Bagt, oňat durmuş, abadançylyk. *Atam, röwşen boldy gözüň, Hatasy ýokdur bu sözüň, Açyldy talyg ýyldyzyň, Saňa döwlet geldi bolgaý* ("Görogly"). **3**. Oglana dakylýan at.

◊ **Döwlet guşuňy uçurmak** bagtyň ýatmak, işi gaýtgynlyga uçramak. *Pelek urup, döwlet guşun uçuran, Zary-giryan aglar han sesin aňsa* (Magtymguly). *Ýat eýlesem şul dünýäniň geçişin, Golumdan uçurdym ol döwlet guşun* (Mollanepes).

**DÖWLETARA** [döwlöta:ra], *syp.* Döwletler, ýurtlar arasyndaky gatnaşyga degişli bolan. *Döwletara söwda. Döwletara gatnaşyk.*

**DÖWLETHA** [döwlötha:], *syp.*, *gepl. d.*, *ser.* **Döwletli**. *Döwletha adam.*

**DÖWLETLI** [döwlötlü] **I**, *syp.* Döwleti bar bolan, özbaşdak döwlete eýe bolan (halk). **II**, *syp.* **1**. Barly, gurply, mally-mülkli. *Döwletliden döwlet ýokar, bidöwletden* – mähnet (Nakyl). *Namazhon derwüşler, döwletli baýlar, Pelegiň gerdişi keçdir, ýaranlar!* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Bagtly abadan durmuşy bolan; at-abraýly, hormat-sylagly. *Döwletli maşgala***.**

◊ **Döwletli maslahat** peýdaly geňeş.

**DÖWLETLILIK** [döwlötlülük] **I**, *at.* Döwlet gurluşly ýurdy barlyk. **II**, *at.* **1**. Barlylyk, gurplulyk, mally-mülklülik. **2**. *göç.m.* Bagtlylyk, agzybirlik, abadanlyk.

**DÖWLETSIZ** [döwlössüz], *işl.* Döwleti ýok, döwletli däl (*döwlet* sözüniň hemme manylarynda).

**DÖWLETSIZLIK** [döwlössüzlük], *at.* Döwleti ýokluk, döwletli dällik, döwletsiz bolmaklyk (*döwlet* sözüniň hemme manylarynda).

**DÖWME** [döwmö], *iş ady.* **1**. Döwmek ýagdaýy. **2**. *syp., gepl.d.* Bilinden eplenip ok sürülýän (goşa nilli tüpeň hakynda). *Döwme goşany heýkelleýin başaşak ildiripdir* (B. Kerbabaýew).

**DÖWMEK** [döwmök], *işl.* **1**. Abat zady böleklemek, döwük görnüşine getirmek. *Käse döwmek.* **2**. Böleklere bölmek, maýdalamak, owratmak, uşatmak. *Gant döwmek.* **3**. Daşynyň gabygyny owradyp, içiniň dänesini, maňzyny almak. *Bugdaýy indi diňe döwüp, atyp almak gerekdi* (A. Gowşudow). **4**. Beden süňkleriniň bir ýerine güýçli şikes ýetirmek. **5**. Sandan çykarmak, zaýalamak (gural, maşyn we ş.m. hakynda). **6**. *gepl.d.* Örän berk tankytlamak. *Birini öwüp, beýlekisini döwmek*. **7**. Kakmaçlyk eti taýýarlamak, ýençgilemek. *Döwlen etden Bibi daýza bal ýaly kakmaç taýýarlady.*

◊ **Döwüp geç (geçsin)** adatça, düýp derejedäki *geçmek* işligi hal işlik goşulmasy goşulan *döwmek* işliginiň yzyndan gelip, biriniň hereketini oňlamadyk adam tarapyndan aýdylýar. *"Döwseň döwüp geç, oýnawaç özüňe gerek" diýip, çaganyň ejesi käýindi.*

**DÖWNELMEK** [döwnölmök], *işl.* Bir zat zol-zol edilmek, düýpli öwrenilmek; bir ýere köp aýlanylmak, torç, döwnük edilmek.

**DÖWNEME** [döwnömö], *iş ady.* Döwnemek ýagdaýy.

**DÖWNEMEK** [döwnömök], *işl.* Bir zady zol-zol etmek, köp yhlas bermek, düýpli öwrenmek,

biljek bolmak; bir ýeri köp aýlanmak, torç, döwnük etmek. *Aý, han aga, bu ýerler köp döwnän ýerimizdir* (H. Derýaýew).

**DÖWNÄBERMEK** [döwnä:vermek], *işl.* Döwnäp başlamak.

**DÖWRAN** [döwra:n], *at.* **1**. Lezzetli zaman, bagtly döwür. *Dogdy asmanyň Zöhresi, Çyn aşyga döwran bu gün* (Magtymguly). **2**. Oglana dakylýan at.

◊ **Döwran sürmek** keýpi-sapada ýaşamak, lezzetli durmuş geçirmek. *Sür döwrany, geçirme, görersiň zyýan, dilber, Öwür Aý dek ýüzüňi, kylaýyn beýan, dilber* (Baýly şahyr).

**DÖWRE** [döwrö], *at.* Tegelek, aýlaw.

◊ **Döwre guramak** tegelenip, aýlaw gurap oturmak. *Olar döwre gurap otyrdylar.*

**DÖWREBAP** [döwröva:p], *hal.* Döwre, zamana laýyk gelýän. *Döwrebap eser döretmek. Döwrebap ýaşamak.*

**DÖWTALAP**, *hal*, *syp.* **1**. Bir zada göwünjeň, göwünli, isleg bildirýän, meýilli. *Özüň döwtalap bolmasaň, kim seni zor bilen okadýar?* (B. Gulow). **2**. Öz islegi bilen, meýletin. *Gurban watan goramaga, Köp döwtalap bolup gitdi* (Ç. Asyrow).

**DÖWTALAPLYK**, *at.* **1**. Göwünjeňlik, göwünlilik. *Şol kakaňam edermenligi, döwtalaplygy seňkiden pes däl-le* (Ý. Mämmediýew). **2**. Meýletinlik, mejbury dällik. *Urşuň jygba-jyga gelen wagty döwtalaplyk bilen söweşe gitdim* ("Edebiýat we sungat").

**DÖWÜBERMEK** [döwüvermek], *işl.* Döwüp başlamak.

**DÖWÜK**, *syp.* **1**. Döwlen, sandan çykan, döwlüp zaýalanan. *Ussa käte döwük äýneginiň üsti bilen seredýärdi* (A. Gowşudow). **2**. Döwlen bir zadyň bir bölegi. *Enegül galadan düşüp dümtünip ýörşüne, ýüzi owadan gök syrçaly küýze döwügini tapdy* (N. Esenmyradow). **3**. *lukmanç.* Beden süňküniň jorta uçmagy netijesinde emele gelen şikes. *Hassany sagaldýar lukmanlarmyz hem, Döwüge seýik edýär, ýarala – melhem* (D. Baýmyradow).

**DÖWÜKLIK** [döwüklük], *at.* Döwük halda bolmaklyk.

**DÖWÜK-ÝENJIK**, *syp.* Döwlen, bölek-bölek bolan; ýemşeren. *Biziň howlymyzda döwük-ýenjik demirler üýşüp ýatyrdy* (A. Gowşudow). *Döwük-ýenjik kerpiçleri bir ýere üýşüren bolýardy* (B. Seýtäkow).

**DÖWÜLMEK** [döwülmök], *işl.* **1**. Eglip, egrelip, eplenip böleklenmek, bölek-bölek bolmak, synmak. **2**. Basgylanyp, urlup ýa-da maşyndan geçirilip gabygyndan arassalanmak (bugdaý, arpa, miwe däneleri we ş.m. hakynda). **3**. Sandan çykmak, bozulmak, haraplanmak. *Bu ýaramaz ýolda ençeme sany, Maşynlar döwlüp bolupdyr zaýa* (A. Kowusow).

**DÖWÜM**, *at.* Döwlüp alnan çörek bölegi. *Oňa öýlerinden günde bir döwüm çörek bilen bir demkeş çaý gelerdi* (A. Ahundow – Gürgenli).

**DÖWÜM-DIŞLEM** [döwüm-di:şlem], *syp.* Az-owlak, bir azajyk (çörek hakynda). *Biz döwüm-dişlem nan iýip ýola çykdyk. Çadyrda gowurma bardyr, häzirlikçe çaýçorba edinip, döwüm-dişlem iýiň!* (A. Gowşudow). *Aýaly çaý goýupdyr, çaý içipdirler, döwüm-dişlem nan iýipdirler* (H. Ysmaýylow).

**DÖWÜM-DÖWÜM**, *syp.* **1**. Bölek-bölek, kül-uşak, kül-owram, döwük-döwük. *Onuň gözünde bir äýnek bardy weli, ol äýnegiň saplary döwüm-döwüm bolup, sim bilen hem aňry-bäri edilip, ýüp-süp bilen saralypdyr* (A. Gowşudow). **2**. Döwlüp alnan birnäçe bölek çörek. *– Çöregi döwüm-döwüm edip oturma, iýjegiňi döwüp alaýarlar.*

**DÖWÜMLEME** [döwümlömö], *iş ady.* Döwümlemek ýagdaýy.

**DÖWÜMLEMEK** [döwümlömök], *işl.* Döwüm görnüşinde böleklemek, döwüm-döwüm etmek. *Iýjek çöregiňi döwümläp al.*

**DÖWÜMLETMEK** [döwümlötmök], *işl.* Döwümlemek işini başga birine etdirmek.

**DÖWÜMLÄBERMEK** [döwümlä:vermek], *işl.* Döwümläp başlamak.

**DÖWÜNMEK** [döwünmök], *işl.* Özüň üçin döwmek, özüň üçin owratmak, özüň üçin böleklere bölmek. *Hoz döwünmek. Bir döwüm çörek döwünmek.*

**DÖWÜR**, *at.* **1**. Jemgyýetiň taryhynda bolup geçýän wakany, hadysany, taryhy aýratynlygy we ş.m. öz içine alýan uzak wagt aralygy. *Bagtyýarlyk döwri.* **2**. Bir zadyň, işiň, hereketiň bolup geçýän (başlanýan, dowam edýän we tamamlanýan) wagty. *Çagalyk hem ýaşlyk döwri. Pagta ýygymy döwri. Ösümlikleriň ösüş döwri. Sagym döwri.* **3**. *geol.* Belli bir geologik syrgyny düzýän dag jynslarynyň emele gelýän wagt aralygy. **4**. Eýýam, zaman, zamana. *Döwrüň talabynyň diýseň jogapkärlidigini unutmaň* ("Türkmenistan").

◊ **Döwür dönmek** zamana üýtgäp, wagt geçip, kimdir biri üçin bagtly döwran gelmek.

**DÖWÜRDEŞ** [döwürdöş], *at.* Biri bilen bir wagtda, bir döwürde ýaşan, işlän ýa-da ýaşaýan, işleýän adam. *Magtymguly bilen Durdy şahyr döwürdeş bolupdyr.*

**DÖWÜRDEŞLIK** [döwürdöşlük], *at.* Döwürdeş bolmaklyk.

**DÖWÜRLEÝIN** [döwürlöýün], *syp.* **1**. Belli bir wagt aralygynda, döwürde bolýan, wagtal-wagtal gaýtalanýan. **2**. Belli bir döwür aralygynda neşir edilýän. *Döwürleýin neşirler.*

**DÖWÜRÝAN** [döwürýa:n], *at.* Ýorganyň dört gyrasyna aýlanyp tutulýan başga reňkdäki gülsüz mata. *Döwürýanly ýorgan.*

**DÖWÜŞ**, *iş ady.* Döwmek ýagdaýy. Söweş, uruş, çaknyşyk. *Mert ýigitler geçer serden, Al meýdanda döwüş bile* (Magtymguly).

**DÖWÜŞDIRMEK** [döwüşdürmök], *işl.* Belli bir wagtyň dowamynda birnäçe zady owradyşdyryp, maýda-maýda edip, döwüp çykmak.

**DÖWÜŞME** [döwüşmö], *iş ady.* Döwüşmek ýagdaýy.

**DÖWÜŞMEK** [döwüşmök], *işl.* **1**. Bir zady bölekläp, döwmäge kömekleşmek, bölek-bölek edişmek, owradyşmak. *Odun döwüşmek.* **2**. Söweşmek, uruşmak, çaknyşmak. *Müň kişi geldi kastyma, Döwüşip çykdym üstüňe* ("Görogly").

**DÖZ: döz gelmek** – dözmek, çydam etmek, çydamak. *Kynçylyga döz gelmek.*

**DÖZERLIK** [dözörlük], *syp.* Döz gelerlik, çydam ederlik.

**DÖZME** [dözmö], *iş ady.* Dözmek ýagdaýy.

**DÖZMEK** [dözmök], *işl.* **1**. Çydam etmek, çydam bermek, döz gelmek, çydamak. *Magtymguly, tur goluňny köze goý, Eger döze bilseň, kylgyl bu işi!* (Magtymguly). **2**. Birehim bolmak, rehimsizlik etmek, nebsiň agyrmazlyk. *Meni bulardan aýyrmaga neneň dözjek* ("Görogly"). *At öz aýagyndan kireý islemeýäni üçin, dözüp sürseň, onuň ýetmeýän ýeri ýok* (B. Kerbabaýew).

**DÖZMEZ** [dözmöz], *at.* Biriniň düşen ýagdaýyna dözmän, rehimi gelip kömek edýän adam, rehimdar adam. *Urşuň yzynda galan ýaş ene dözmezim ýok diýip zeýrenmedi, kynçylykly pursatlara döz gelip, çagajyklaryny ulaltdy.*

**DÖZMEKLIK** [dözmöklük], *iş ady.* Dözmek ýagdaýy.

**DÖZMEZÇILIK** [dözmözçülük], *at.* Dözmän edilýän duýgudaşlyk, rehimlilik, şepagatlylyk. *Şol onda-munda ýatyp-turup ýörkä, dostlarynyň biri oňa dözmezçilik edip, iki otagly, aşhanaly päkize öý tapyp berdi* (A. Gowşudow).

**DÖZMEZLIK** [dözmözlük], *iş ady.* **1**. Dözüp bilmezlik, dözüm etmezlik, çydap bilmezlik. *Tomsuň jöwzasyna, gyşyň aňzagyna dözmeseň, gumda çopan bolup bilermikäň?!* **2**. Biriniň düşen ýagdaýyna çydaman, rehimi gelmek. *Meger, Ezraýyl perişde Ejiz halyna dözmedi* (A. Atabaýew).

**DÖZÜLMEK** [dözülmök], *işl.* Çydalmak, çydamlylyk edilmek, döz gelinmek.

**DÖZÜM**, *at.* Agyra ýa-da başga bir zada çydap bilmek başarnygy. *Her bir zada dözüm gerek.*

**DÖZÜMLENME** [dözümlönmö], *iş ady.* Dözümlenmek ýagdaýy.

**DÖZÜMLENMEK** [dözümlönmök], *işl.* Dözümli bolmak, çydamly bolmak, berkemek.

**DÖZÜMLI** [dözümlü], *syp.* **1**. Döz gelýän, çydam edýän, çydamly. *Wagtynda kynçylyklara dözümli bolmak.* **2**. *hal*. Dözüm bilen, ynamly, çekinmän. *Bagşy dutaryň kirşine dözümli kakdy*.

**DÖZÜMLILIK** [dözümlülük], *at.* **1**. Her bir zada dözümli bolmaklyk, dözüjilik, çydam edijilik, çydamlylyk. **2**. Gaýratlylyk, berklik, ynamlylyk. *Ol onuň jogabyny örän dözümlilik bilen berdi*. **3**. *göç.m.* Rehimsizlik, ýürek awamazlyk, doňýüreklilik. *Onuň ýesirlere dözümlilik etmeýşine geň galdy.*

**DÖZÜMSIZ** [dözümsüz], *syp.* **1**. Döz gelmeýän, çydam etmeýän, çydamsyz. *Oda dözümsiz. Elim gyzgyna dözümsiz.* **2**. Ýüregi ýuka, rehimdar, durumsyz. *Ol hetdenaşa dözümsiz bolany üçin, towugyň hem damagyny çalyp bilmeýärdi.*

**DÖZÜMSIZLIK** [dözümsüzlük], *at.* **1**. Her bir kynçylyga we ş.m. çydap bilmezlik, çydamsyzlyk. **2**. Ýüregi ýukalyk, durumsyzlyk, rehimdarlyk. *Gurda dözümsizlik etdigiň, goýna sütem etdigiňdir* (Atalar sözi).

**DÖZÜŞ**, *iş ady.* Dözmek ýagdaýy.

**DRAMA** [dyra:ma], *at, edeb.* Gepleşik görnüşinde ýazylan we sahnada goýmak üçin niýetlenen edebi eseriň bir görnüşi; dartgynly sahna oýny.

**DRAMATURGIÝA** [dyramaturgi:ýa], *at, edeb*. **1**. Drama eserini döretmek sungaty. **2**. Haýsydyr bir awtoryň, halkyň, eýýamyň we ş.m. drama eserleriniň jemi.

**DUB** [du:p], *at. ösüml.d.* Igdäniň şänigi ýaly ululykda miwe getirýän, gyralary kertik-kertik ýasy ýaprakly gaty agaç.

**DUÇAR** [du:ça:r]**: duçar bolmak (gelmek)** duş gelmek, sezewar bolmak, sataşmak, uçramak. *Oglan ol ýerde köp ýatsa, agyr kesellere duçar bolar* (B. Seýtäkow). **Duçar etmek** – duş etmek, sezewar etmek, sataşdyrmak, uçratmak. *Azdyrmasyn, azana duçar etmesin* (Atalar sözi).

**DUL**, *syp.* Aýaly ýa-da äri ölen, ärsiz, aýalsyz galan (erkek ýa-da aýal adam). *Dul gözi bilen aýal alma, pyýada gözi bilen – at* (Nakyl).

◊ **Dul heleýiň pişigi ýaly** örän gowy, aýawly saklanýan.

**DUL** [du:l], *at.* Öýüň, jaýyň içiniň çep ýa-da sag gapdaly. *Annaguly dula geçip, ädigini çykardy-da, ojagyň başynda aýbogdaşyny gurup oturdy* (A. Durdyýew).

**DULABERMEK** [du:la:vermek], *işl.* Dulap başlamak; dulamagy dowam etdirmek.

**DULAMA** [du:lomo], *iş ady.* Dulamak ýagdaýy.

**DULAMAK** [du:lomok], *işl.* **1**. Ölen adamy jaýlamak, ýerlemek. **2**. *gepl.d.* Bir zadyň aňyrsynda ýaşyrmak, gizlemek, bukmak.

**DULAMAKLYK** [du:lomokluk], *iş ady.* Dulamak ýagdaýy.

**DULAMAZLYK** [du:lomozluk], *iş ady.* Dulamak işine amal etmezlik.

**DULANMAK** [du:lonmok], *işl.* **1**. Ölen adam jaýlanmak, ýerlenmek. **2**. *gepl.d.* Bir zadyň aňyrsynda gizlenmek, bukulmak. *Aram-aram Gün çykyp, çäge baýyrlaryny bugartmagyny esli wagtlap dowam edýärdi-de, ýene goýy buludyň aňyrsyna dulanýardy* (B. Ataýew).

**DULAŞMAK** [du:loşmok], *işl.* **1**. Dulamaga kömek etmek. **2**. Bilelikde dulamak.

**DULATMAK** [du:lotmok], *işl.* Dulamak işini başga birine etdirmek; dulamaga mümkinçilik bermek, ýol bermek.

**DULAÝYŞ** [du:loýuş], *iş ady.* Dulamak ýagdaýy.

**DULDEGŞIR** [du:lleğşir], *syp.* Örän ýakyn, ýanaşyk, golaý (jaý, öý hakynda). *Bolmasa, gürrüň edeýin, şu güne çenli duldegşir oturan goňşularymyza-da aýdan däldiris* (N. Saryhanow).

**DULLUK**, *at.* Aýaly ýa-da äri ölüp aýalsyz, ärsiz galanlyk, başy boşluk. *Dullukdyr meniň-de bagrym dilenim* (Magtymguly).

**DULUÇ**, *at.* Üç ýaşar inen düýe.

**DULUK**, *at.* Ýüzüň sakgalsapy bilen eňek aralygy, ýüzüň çep hem sag gapdaly. *Orazsoltan iki elini dulugyna tutup, Myrat aganyň sözüni diňläp otyrdy* (H. Derýaýew).

**DUMAN** [duma:n], *at.* **1**. Köplenç, bugly, çisňili tutuk howa gatlagy. *Gara dagdan gymmat gaçar, Sili, dumany bolmasa* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Howp, ýaramaz ýagdaý. *Gazap donun geýip, çozanda duşman, Abananda üstümize ol duman...* (A. Kekilow).

**DUMANLABERMEK** [duma:nla:vermek], *işl.* Dumanlap ugramak.

**DUMANLAMA** [duma:nlama], *iş ady.* Dumanlamak ýagdaýy.

**DUMANLAMAK** [duma:nlamak], *işl.* **1**. Duman gurşap almak, duman büremek, duman örtmek. *Başy dumanlap duran gojaman Köpetdag alyslardan seleňläp görünýärdi* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *göç.m.* Ümezlemek, garaňkyramak. *Onuň dumanlap duran gözleri diwardaky surata düşdi* (B. Seýtäkow). **3**. *göç.m.* Bulaşmak, garjaşmak (pikir hakynda). *Kellesi dumanlap durşuna ol uzakly gününi işläp bilmän pallap geçirdi.*

**DUMANLAMAKLYK** [duma:nlamaklyk], *iş ady.* Dumanlamak ýagdaýy.

**DUMANLAMAZLYK** [duma:nlamazlyk], *iş ady.* Dumanlap durmazlyk.

**DUMANLATMAK** [duma:nlatmak], *işl.* Garjaşdyrmak, bulaşdyrmak (pikir, oý barada).

**DUMANLAÝYŞ** [duma:nlaýyş], *iş ady.* Dumanlamak ýagdaýy.

**DUMANLY** [duma:nly], *syp.* **1**. Duman örtülen, dumany bolan. *Dumanly howa.* **2**. *göç.m.* Bulaşyk, düşnüksiz, aýdyň bolmadyk. *Ony sägindirýän zadam kellesindäki dumanly, garşylykly pikirlerdi* (Ö. Abdyllaýew).

**DUMANLYK** [duma:nlyk], *at.* Duman bilen örtülen ýagdaýda bolmaklyk, dumany barlyk.

**DUMANLYRAK** [duma:nlyra:k], *syp.* Azda-kände dumanly, ümürli. *Dumanlyrak howa.*

**DUMLY-DUŞ** [dumlu-du:ş], *at.* Töweregi gurşap alýan ähli ýer, çar tarap, daş-töwerek. *Magtymgulynyň köçä çykanlygyny görüp, dumly-duşdan jemende üýşdi* (G. Kulyýew).

**DUP-DURY**, *syp.* Örän dury, ap-arassa, gaty päkize, örän tämiz. *Guýynyň gök çüýşe ýaly dup-dury suwy diýseň ýakymlydy.*

**DURA** [duro], *at.* Deňiz-derýa kenarynda guş awlananda, buky üçin gazylýan çukur, ýatar ýaly ýer.

**DURA-BARA** [duro-vara], *hal.* Kem-kemden, ýuwaş-ýuwaşdan, assa-assa, gitdikçe, barha. *Aý näme,* "*Türkmen goşy dura-bara düzeler*" *diýenleridir, hemmesi-de kem-kemden düzeler gider* (A. Gowşudow).

**DURAK-DURAK** [durok-durok] Dik durmagy öwretmek üçin kiçijik çaga aýdylýan söz.

◊ **Durak-durak bolmak** *ser.* **Durdy-durdy bolmak**. *Berdijik ýaňy durak-durak bolup ugran çagajykdy.*

**DURALGA** [durolğo], *at.* **1**. Trolleýbus, awtobus, taksi ýaly gatnaw serişdeleriniň ýolagçylary düşürmek we mündürmek üçin ýörite durýan ýeri. *Awtobus duralgasyna baranymda, Gün mazaly gyzypdy.* **2**. *göç.m.* Bir zat etmek hakynda belli bir karara gelnen pikir, ygrar. *Asylan agaç terezi ýaly, seniň belli bir duralgaň ýok* (B. Kerbabaýew).

**DURALMAK** [durolmok], *işl.*, *gepl.d.* Durlanmak. *Bedredäki lüýk suw öýläne çenli duraldy.*

**DURALYKLY** [durolukly], *syp.* **1**. Uzak ömürli, uzak ýaşly. *Çagaňyz duralykly bolsun!* **2**. Uzak möhletli. *Duralykly berseňiz, karz pul soramakçy.*

**DURALYKLYLYK** [durolukluluk], *at.* **1**. Duralykly bolmaklyk, uzak ömürlilik. **2**. Uzak möhletlilik, gyssagly dällik.

**DURALYŞMAK** [duroluşmok], *işl., gepl.d.* Kem-kemden dury bolmak, dura-bara durlanmak, durlanyşmak.

**DURAR** [dura:r], *at, gepl.d.* Durup dynç alar ýaly wagt, pursat. *"Maňa-da durar ýok, işime ylgabam ýetişip bilemok" diýip, ýaş gelin jorasynyň ýanynda zeýrenmek zeýrendi.*

**DURDUGYÇA** [durduğuço], *hal.* Dura-bara, gitdigiçe, bardygyça. *Ýagyş durdugyça güýçlenýärdi.*

**DURDY-DURDY** [durdu-durdy]**: durdy-durdy bolmak** aýak üstüne galyp, durmagy başarmak, durak-durak bolmak (çaga hakynda).

**DURGUN** [durğun], *syp., ser.* **Durgunly**.

**DURGUNLY**[durğunly], *syp.* Üýtgäp durmaýan, üýtgemeýän; öz durkuny ýitirmeýän. *Durgunly boýag. Durgunly howa.*

**DURGUNLYK** [durğunluk], *at.* Üýtgemezlik, hereketsizlik, ösüşiň ýoklugy. *Ykdysadyýetiň durgunlygy. Durgunlyk ýyllary.*

**DURGUNLYLYK** [durğunluluk], *at.* Üýtgemezlik, öz durkuňy ýitirmezlik.

**DURGUŞAN** [durğuşon], *syp.* Orta ýaşan, ýaşy bir çene baran, ýaşy könelişen (adam hakynda).

**DURGUŞANRAK** [durguşonura:k], *syp.* Azda-kände durguşan. *Durguşanrak aýal işikden içerik ätledi.*

**DURGUŞMA** [durğuşmo], *iş ady.* Durguşmak ýagdaýy.

**DURGUŞMAK** [durğuşmok], *işl.* **1**. Ýaşy bir çene ýetmek, gartaşmak. **2**. Köp saklanyp saplanmak, arassalanmak, durlanmak.

**DURGUŞMAKLYK** [durğuşmokluk], *iş ady.* Durguşmak ýagdaýy.

**DURGUŞMAZLYK** [durğuşmozluk], *iş ady.* Durguşan halda bolmazlyk.

**DURGUŞYBERMEK** [durğuşuvermek], *işl.* Durguşyp ugramak.

**DURGY** [durğy]**: durgy bermek** urlan zarbany gaýtarmak, saklamak. *Şatyr begde agyr zarba durgy berer ýaly güýç barmy näme?* (G. Kulyýew).

**DURK** [duruk], *at.* **1**. Görnüş, şekil. *Köçeleriň durky täzelenýär.* **2**. Boýdan-başa tutuş göwre, jan-ten. *Üstünliklere durkuň bilen begenmek*. **3**. Jorabyň gonjundan aşaky bölegi. *Joraby durkundan örüp başlamaly.* **4**. Bir zadyň durumy, berkligi, pugtalygy, ömri. *Bu atlazyň durky ýok ekeni.*

**DURKLULYK** [duruklulyk], *at, ser.* **Durumlylyk**. *Mawudyň durklulygy.*

**DURKLY** [durukly], *syp., ser.* **Durumly**. *Durkly mata.*

**DURLABERMEK** [durla:vermek], *işl.* Durlap başlamak; durlamagy dowam etmek. *"Indi bir gezek sabynlap ýuwan eşikleriňi durlaber" diýip, ejesi gyzyna öwretdi.*

**DURLAMA** [durlomo], *iş ady.* Durlamak ýagdaýy.

**DURLAMAK** [durlomok], *işl.* **1**. Suwuk jisimleri arassalamak, hapadan saplamak, dury görnüşe getirmek. *Ýapdan alnan bulanyk suwy bedrede durlap içmek.* **2**. Kir, saç ýuwlanda iň soňunda arassa suwa birnäçe gezek salyp çykarmak, çyrpmak, çaýkamak. *Kir ýuwlanda sabyn ýokundysy galmazlyk üçin ony birnäçe gezek durlamaly.*

**DURLAMAKLYK** [durlomokluk], *iş ady.* Durlamak ýagdaýy

**DURLAMAZLYK** [durlomozluk], *iş ady.* Durlamak işini etmezlik.

**DURLANMAK** [durlonmok], *işl.* **1**. Dury hala gelmek. *Şondan soň suw süzülýär, durlanýar* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Howanyň ýüzi tämizlenmek, arassalanmak, duman syrylmak. *Birden çygly şemal peýda bolup, ümür perdesini syrýar-da, howa durlanyp başlaýardy* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç.m.* Tebigy reňkine gelmek, sagdyn görnüşe eýe bolmak. *Oglan daýanyp, ýüzi durlanyp başlap, ol sanly günüň içinde sagalyp gidipdir* ("Türkmen halk ertekileri").

◊ **Akyly durlanmak** aňy bulaşyklykdan saplanmak, akyly gowy işläp başlamak. *Birden Aşyrmädiň akyly durlanyp giden ýaly boldy* (B. Seýtäkow).

**DURLANYŞMAK** [durlonuşmok], *işl.* Birneme durlanmak, durlanyp ugramak, az-kem durlanmak. *Ýabyň bulanyk suwy durlanyşypdyr.*

**DURLAŞDYRMAK** [durloşdurmok], *işl.* Bir ýan ujundan durlap çykmak. *Ýaş gelin ýuwan kirli eşiklerini gyssagara durlaşdyryp, öýden çykdy.*

**DURLAŞMAK** [durloşmok], *işl.* **1**. Durlamaga kömek etmek. **2**. Birnäçe adam durlamak. *Gyzlar ýuwan kirlerini durlaşyp otyrdylar.*

**DURLATDYRMAK** [durlotdurmok], *işl., ser.* **Durlatmak**.

**DURLATMAK** [durlotmok], *işl.* **1**. Durlamak işini başga birine etdirmek. *Ejesi ýuwan eşiklerini gyzyna durlatdy.* **2**. Durlamaga ýol bermek, mümkinçilik döretmek. *Gyzjagaz özelenip: "Eje, maňa dur-ladaýsana" diýdi.*

**DURLAÝYŞ** [durloýuş], *iş ady.* Durlamak ýagdaýy.

**DURLUK**, *at.* Gara öýüň täriminiň töweregine aýlanýan keçe örtügi, eşik. *Olaryň ikisiniň-de uklary gowşap, tärimleriniň köki gidipdi, durluklary diýseň akly-garaly ýama bilen bezelipdi* (G. Kulyýew).

**DURLUKBAG** [durlukba:ğ], *at.* Ýüňden işilip ýa-da örülip, durlugyň aşak we ýokary gyrasyna berkidilýän bag, ýüp.

**DURLUKLYK** [durlukluk], *syp.* Durluk üçin, durluk etmek üçin niýetlenen. *Durluklyk ýüp.*

**DURMA** [durmo], *iş ady.* Durmak ýagdaýy. *Beýdip gapyda durmaň bolanok.*

**DURMAK** [durmok], *işl.* **1**. Saklanmak, togtamak, aýak çekmek. *Taksi köçäniň çatrygyna ýetmän durdy.* **2**. Bir ýerde ýerleşmek, bar bolmak. *Çar tarapda atlylar durandyrlar* (G. Kulyýew). **3**. Aýak üstünde, dim-dik ýagdaýda bolmak. *Onuň ýigitleri meýdanyň bir çetinde durdular* (A. Gowşudow). **4.** Öz düzümi haýsydyr bir zatlardan ybarat bolmak. *Iş üç bapdan durýar*. **5**. *Durmak* işligi hal işligiň *-yp,-ip* goşulmasyny kabul

eden düýp işlikden soň gelende, hereketiň dowamlylygyny görkezýän düzümli işlik ýasalýar (şeýle düzümli işlikler habar bolup gelende, *dur-* asyl işligindäki [u] sesi uzyn aýdylýar): **Akyp durmak** dowamly akmak, akmagyny bes etmezlik. *Batly akyp duran derýa.* **Gelip durmak** hemişe gatnaşykda bolmak, arany üzmezlik, gatnaşygy kesmezlik. *– Gelip duruň! – diýip, ol myhmanlaryny ugratdy.* **Gidip durmak** dowam etmek, entek gutarmazlyk, tamamlanmazlyk. *Ýygnak gidip dur*. **Gülüp durmak** yzyny üzmän gülmek. *Yzyny üzmän gülüp dur.*

◊ **Duran-duran ýerinde** duran ýerinden hiç ýana gozganman, artykmaç hereket etmän. *Bolan täsin waka duran-duran ýerinde doňup galdy*. **Duran ýeri** başarmaýan zady, gowşak tarapy. *Aty päsgelçilikden bökdürmek onuň duran ýeridi*. **Durup geç (geçsin)** adatça, düýp derejedäki *geçmek* işligi hal işlik goşulmasy goşulan *durmak* işliginiň yzyndan gelip, biriniň hereketini oňlamadyk adam tarapyndan aýdylýar. *Dursa durup geçsin, ondan çekinýän ýok*. **Durup geçmek** çykyş edilende, sapak geçilende we ş.m. ýagdaýlarda nygtamak maksady bilen bir zat barada gürrüň etmek. *Kitabyň käbir baplary hakda durup geçdi.*

**DURMAKLYK** [durmokluk], *iş ady*. Durmak ýagdaýy.

**DURMUŞ I**, *at.* **1**. Jemgyýetiň we adamlaryň dürli görnüşdäki ýaşaýşy. *Jemgyýetçilik durmuşy. Maşgala durmuşy. Durmuş ýagdaýy. Gowy durmuşda ýaşamak. Talyplaryň durmuşy. Agyr durmuş. Durmuşyňdan nalamak.* **2**. Bize bagly bolmadyk barlyk, real hakykat. *Edilen teklipleri durmuşa geçirmek. Durmuşyň öz kada-kanunlary bar.*

◊ **Durmuşa çykmak** äre barmak, äre çykmak, maşgala gurmak. **Durmuşa geçirmek** bir işi amala aşyrmak, iş ýüzüne geçirmek, amal etmek. **Durmuş gören 1)** ozal durmuşa çykan, äre baran; **2)** durmuşy gowy bilýän, köpi gören, tejribeli. **Durmuş gurmak** öýlenip ýa-da durmuşa çykyp, maşgalaly ýaşap ugramak; öýli-işikli bolmak.

**DURMUŞ II: durmuşy bilen** bir zat tutuşlygyna, bir zadyň hemme ýeri. *Üsti-başyň durmuşy bilen palçyk bolupdyr.*

**DURMUŞY**, *syp.* Durmuşa, ýasaýşa degişli, durmuşdan alnan. *Durmuşy erteki.*

**DURMUŞYNA** [durmuşuno], *hal.* Hemme ýeri, tutuşlygyna, durmuşy bilen (durmuşyma, durmuşyňa, durmuşyna). *Ýagşyň aşagynda galyp, durmuşyma öl-suw bolup ezildim*.

**DURNA** [durno], *at.* Aýaklary, boýny we çüňki uzyn guş. *Durna gökde, duzak ýerde* (Nakyl).

◊ **Durnaň gözi ýaly** dup-dury, arassa, tämiz, gök çüýşe ýaly (suw barada). *Kiçijik ýabyň durnaň gözi ýaly suwy seslenip akýardy*.

**DURNADABAN** [durnoda:van], *at. ösüml.d.* Çylşyrymly güller maşgalasyna degişli köpýyllyk, boýy bir metre çenli bolan ot.

**DURNUKLY**, *syp.* **1**. Birsydyrgyn, üýtgemeýän. *Syýasatyň durnuklylygy.* **2**. *göç.m.* Bir pikire berlen, tutanýerli, üýtgäp durmaýan. *Her bir işde özüňi berk hem-de durnukly alyp barmaly*.

◊ **Durnukly sözler** komponentleri many taýdan bitewüleşen, grammatik baglanyşygy boýunça durnukly erkin däl söz düzümi.

**DURNUKLYLAŞDYRMAK** [durnukluloşdurmok], *işl.* Bir zady durnukly derejä ýetirmek.

**DURNUKLYLYK** [durnukluluk], *at.* Durnukly hasiýetde bolmaklyk. *Iki sany uly yklymyň – Aziýanyň we Ýewropanyň çatrygynda ýerleşen Türkmenistan asyrlaryň hem-de müňýyllyklaryň sepgidinde asudalygyň we durnuklylygyň gyşarnyksyz utgaşmagy bilen tapawutlanýan döwlet düzgüniniň özboluşly nusgasyny dünýä görkezdi* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr").

**DURNUKLYRAK** [durnuklura:k], *syp.* Belli derejede durnukly.

**DURNUKSYZ** [durnuksuz], *syp.* Durnukly bolmadyk, durnukly däl. *Durnuksyz adam. Durnuksyz howa.*

**DURNUKSYZLYK** [durnuksuzluk], *at.* Durnukly bolmazlyk, durnukly dällik, durnuksyz bolmaklyk. *Haýsydyr bir sosial, syýasy ýa-da ykdysady meseläni bir gezekde we hemişelik çözmek synanyşyklary diňe bulam-bujarlyga hem-de durnuksyzlyga getirýär* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr"). *Durnuksyzlyk gowy gylyk däl.*

**DURNUKSYZRAK** [durnuksuzura:k], *syp.* Az-da-kände durnuksyz. *Onuň durnuksyzrakdygyny-ha öňem bilýärdim-le, birden sözünde durmazlygy bar*.

**DURŞUNA** [durşuno], *hal.* Durşy bilen, bary, hemmesi, ählisi, tutuşlygyna, durmuşuna. *Bu çaganyň endamy durşuna tüý bolup durdy* ("Görogly"). *Seniň durşuna der Ýüzüň öpeýin* (G. Ezizow). *Hamala çagalyk geçmejek ýaly, Çagalygyň kenarynda kän durdum. Bu dünýe durşuna sowaldy maňa, Şo sowallaň jogabyna näm berdim* (G. Ezizow).

**DURUBERMEK** [duruvermek], *işl.* Birdenkä durmak, birden hereketini togtatmak, saklanmak.

**DURULMAK** [durulmok], *işl.* Durmak ýagdaýyna geçilmek. *Uruş ýyllarynda her gün gara daňdandan dükanyň öňünde nobata durlardy.*

**DURULYK** [duruluk], *at.* **1**. Arassalyk, saplyk, päkizelik, tämizlik. *Howzuň suwunyň durulygy meni geň galdyrdy.* **2**. Açyklyk, tämizlik, dumansyzlyk (howa hakynda). **3**. *göç.m.* Aýdyňlyk, bulaşyk dällik. *Bolsa-da,*

*men-ä Akgyzyň zehininiň durulygyna haýran galdym (B. Gulow).*

**DURUM**, *at.* **1**. Bir zadyň berklik derejesi, ömri, durk. *Şu atlazyň durumy bolmaýar.* **2**. *göç.m.* Çydam, dözüm, gaýrat. *Kim onuň öňünde durum edip biljek?* (G. Kulyýew).

**DURUMLY**, *syp.* **1**. Köp wagtlap zaýalanman, ýyrtylman durýan, ömri uzak, berk, pugta, durkly. *Durumly mata.* **2**. *göç.m.* Çydamly, dözümli.

**DURUMLYLYK** [durumluluk], *at.* Durumy bolmaklyk, sarlylyk, durklulyk, berklik, pugtalyk.

**DURUMSYZ** [durumsuz], *syp.* **1**. Durumy ýok, durumy bolmadyk, sarsyz, berk däl. *Durumsyz ýüpek parça.* **2**. Sabyrsyz, çydamsyz. *Baý, açlyga durumsyz ekeniň-aý!* **3**. *göç.m.* Doň bagyr däl, ýüregi ýuka, dözümsiz.

**DURUMSYZLYK** [durumsuzluk], *at.* **1**. Durumy bolmazlyk, berk, pugta dällik, sarsyzlyk. **2**. *göç.m.* Doňbagyr dällik, ýüregi ýukalyk. *Enesiniň näzik hem-de gaýgyçyl häsiýetlerini, onuň ýüreginiň durumsyzlygyny Sapa ýagşy bilýärdi* (A. Gowşudow).

**DURUMSYZRAK** [durumsuzura:k], *syp.* Belli derejede durumsyz. *Ol durumsyzrak adamdy.*

**DURUŞ**, *iş ady.* **1**. Durmak ýagdaýy. **2**. *at.* Tutuş durk, tutuş göwre, durşuna. *Ol durşy bilen galpyldap başlady.*

◊ **Bolup duruş 1**) bir işiň tamamlanyş ýagdaýy. *Işlerimi bolup durşum, entek çaý-suw hem içemok.* **2**) özüni alyp baryş (öňünden hal isligiň ýokluk şekili getirilip ulanylýar). *Onuň bir çetde ile goşulman bolup durşy nähili?*

**DURUŞMAK** [duruşmok], *işl.* **1**. Durmaga ýoldaş bolmak. *Ýoldaşyňa garawul duruşmak.* **2**. Biri işini bolýança garaşyp durmak. *Meniň okuwym gutarmanka gaýdybermegin, duruşgyn, bolýarmy?*

**DURUZMAK** [duruzmok], *işl.* Durmaga mejbur etmek; durmagyna sebäp bolmak; hereketlenmez ýaly etmek. *Ol daşarda eşegini duruzdy.* **2**. Dik ýagdaýda goýmak, saklamak. *Taýagy barmagyň üstünde dik durzup bilmek.* **3**. Nyzama düzmek, hataryň ugrunda goýmak. *Okuwçylary hatara duruzmak.* **4**. *gepl.d.* Garaşdyryp goýmak, garaşdyryp aýak üstünde saklamak.

**DURY**, *syp.* **1**. Bulanyk bolmadyk, bulanyk däl, arassa, tämiz. *Dury suw.* **2**. Açyk, bulutsyz, tot-tozansyz, dumansyz, tämiz (howa hakynda). *Jana ýakymly howa durudy* (B. Kerbabaýew). **3**. Açyk, goýy bolmadyk (reňk hakynda). *Dury mawumtyl reňki ony başgalaryndan aç-açan saýlaýardy*. **4**. *göç.m.* Sagdynlygyň alamaty hökmünde ýüzi ýagty, lowurdap duran; doly, gaty bir, şeýle bir (saglyk hakynda). *Aýgülüň düşünjeli gözleri sahna garasa-da, çala süýnmegräk dury ýüzüne nämäniňdir aladasy kölege salýardy* (B. Kerbabaýew). *Ol dury sag däl bolsa gerek, ýüzüniň gan-peti ýok.* **5**. *göç.m.* Aýdyň, bulaşyk bolmadyk (akyl, pikir we ş.m. hakynda). *Kelläň dury işlemek. Dury akyl.* **6**. Gyryljyk bolmadyk, arassa çykýan (ses hakynda). *Bagşynyň dury sesi belent ýaňlanýardy.*

◊ **Dury sag** hiç hili keseli ýok, sagdyn.

**DURZULMAK** [durzulmok], *işl.* Durar ýaly edilmek, durmak derejesine ýetirilmek.

**DUŞ** [du:ş] **I**, *at.* Deňe, ýan, gapdal, gabat. *Olaryň belent sussy, ägirt keşbi ýeke düýekeşleriň, ýeke argyşçylaryň däl, olaryň duşlaryndan geçenleriň göwnünde-de oňat täsir galdyrýardy (B. Kerbabaýew).*

**DUŞ** [du:ş] **II: duş bolmak (gelmek)** *ser.* **Duçar: duçar bolmak (gelmek)**. *Duş bolsaň ýaman hatyna, Ömrüň öter şer biläni* (Magtymguly). **Duş etmek** *ser.* **Duçar etmek**. *Deň etmän – duş etmez, Göz etmän – gaş etmez* (Nakyl).

**DUŞABERMEK** [duşa:vermek], *işl., ser.* **Duşaklabermek**.

**DUŞAK** [duşok], *at.* **1**. Düýäniň, atyň, eşegiň we ş.m. mallaryň daş aralyga gitmezligi üçin iki öň aýagy biri-birine baglanýan, daňylýan ýüp. *Nazar düýäniň duşagyny çözüp, egri boýnuna iltedi* (B. Kerbabaýew). **2**. Oba ady.

**DUŞAKLABERMEK** [duşokla:vermek], *işl.* Duşaklap başlamak.

**DUŞAKLAMA** [duşoklomo], *iş ady.* Duşaklamak ýagdaýy.

**DUŞAKLAMAK** [duşoklomok], *işl.* Malyň daş aralyga gitmezligi üçin duşak bilen aýaklaryny baglamak, duşak salmak.

**DUŞAKLAMAKLYK** [duşoklomokluk], *iş ady.* Duşaklamak ýagdaýy.

**DUŞAKLAMAZLYK** [duşoklomozluk], *iş ady.* Duşak duşamazlyk, duşak urmazlyk.

**DUŞAKLANMAK** [duşoklonmok], *işl.* Malyň daş aralyga gitmezligi üçin aýagy duşalmak. *Duşaklanan düýeler meýdanda otlaşyp ýörler.*

**DUŞAKLAŞDYRMAK** [duşokloşdurmok], *işl.* Birnäçe maly duşaklap çykmak, duşak salyşdyrmak.

**DUŞAKLAŞMAK** [duşokloşmok], *işl.* **1**. Duşaklamaga kömek etmek. **2**. Köp malyň aýagyny bilelikde duşamak.

**DUŞAKLATMAK** [duşoklotmok], *işl.* Duşaklamak işini başga birine etdirmek; duşaklamaga ýol bermek. *Özüň başarmasaň, düýeleri maňa duşakladaýmaly ekeniň-dä?!*

**DUŞAKLAÝYŞ** [duşokloýuş], *iş ady.* Duşaklamak ýagdaýy.

**DUŞAKLY** [duşokly], *syp.* Duşaklanan. – *Kaka, düýe aýaklarynyň duşakly bolmagyna garaman, gidende örän çalasyn gidipdir* (B. Kerbabaýew).

**DUŞAKLYK** [duşokluk], *syp.* Duşak üçin niýetlenen. *Duşaklyk ýüp işmek.*

**DUŞALMAK** [duşolmok], *işl., ser.* **Duşaklanmak**. *Düýeleriň aýaklary darajyk duşalan ýaly, zordan ädimleýärdiler* (A. Gowşudow).

**DUŞAMA** [duşomo], *iş ady, ser.* **Duşaklama**.

**DUŞAMAK** [duşomok], *işl., ser.* **Duşaklamak**.

**DUŞAMAKLYK** [duşomokluk], *iş ady, ser.* **Duşaklamaklyk**.

**DUŞAMAZLYK** [duşomozluk], *iş ady., ser.* **Duşaklamazlyk**.

**DUŞAŞDYRMAK** [duşoşdurmok], *işl., ser.* **Duşaklaşdyrmak**. *Ol düýelerini duşaşdyrandan soň, ýandakly meýdanyň içine kowdy.*

**DUŞAŞMAK** [duşoşmok], *işl., ser.* **Duşaklaşmak**.

**DUŞATMAK** [duşotmok], *işl., ser.* **Duşaklatmak**.

**DUŞAÝYŞ** [duşoýuş], *iş ady, ser.* **Duşaklaýyş**.

**DUŞDAŞ** [du:şdoş], *syp.* Ýaşyt, ýaşytdaş, deň-duş. *Onuň atasy bilen duşdaş adamdy* ("Edebiýat we sungat").

**DUŞDAŞLYK** [du:şdoşluk], *at.* Duşdaş bolmaklyk, ýaşytdaşlyk, deň-duşluk.

**DUŞDAŞRAK** [du:şdoşura:k], *syp.* Azda-kände duşdaş, deň-duş.

**DUŞENBE** [du:şemme], *at.* Hepdäniň birinji gününiň ady.

**DUŞLURAK** [du:şlura:k], *syp.* Azda-kände deň--duş. *Ol hem men duşlurak bolsa gerek, menden kän bir uly däldir.*

**DUŞLY** [du:şly], *syp.* Ýaşdaky, ýaşyt, ýaşdaş, duşdaş. *Meniň oglum hem dutary edil seniň ýaly şirin labyzda çalýardy, ol hem sen duşly oglandy* ("Türkmen halk ertekileri"). *Ol men duşly adam.*

**DUŞMA** [du:şmo], *iş ady.* Duşmak ýagdaýy.

**DUŞMAK** [du:şmok], *işl.* **1**. Bir ýerden gellýärkäň ýa-da dir ýere barýarkaň duş gelmek, sataşmak, gabat gelmek. *"Bir göreniňi öwme-de, syndyrma-da" diýen ýaly, bir göreniň, iki duşanyň bilen adamyny tanamak örän kyn* (B. Kerbabaýew). **2**. Gylyk-häsiýeti, hereketi boýunça biri-birine laýyk, deň, meňzeş bolmak. *Siziň ikiňizem duşupsyňyz!* **3**. Bir ýagdaýa sezewar bolmak, duçar bolmak, uçramak. *Birnäçe burawlaryň şowsuz geçmegi, aýylganç heläkçilige duşmagy, her teňňesi derden emele gelýän döwlet maýasynyň ilki-bada dereksiz sarp bolmagy-da mümkin* (B. Kerbabaýew). **4**. Şowuna düşmek, ýerine düşmek, oňuna bolmak. *Onuň käri duşdy.*

**DUŞMAKLYK** [du:şmokluk], *iş ady.* Duşmak ýagdaýy.

**DUŞMAN** [duşma:n], *at.* **1**. Duşmançylyk ýagdaýynda bolan, ganym, ýagy. *Şu wagt duşmana rehim edilýän wagt däl* (B. Seýtäkow). **2**. Zyýan berýän, şikes ýetirýän zat. *Jaýyn tapsa, garynja-da pis duşman* (Magtymguly).

◊ **Duşman gözi bilen garamak** duşmançylyk bilen garamak, ýigrenç bilen garamak. *Onuň aýdýan zatlaryna ynamsyz, özüne bolsa duşman gözi bilen garaýan adamlar köp ýerinde oňa sözlemek örän kyn geldi* (B. Kerbabaýew). **Duşman okunmak** özüňe duşman saýmak, öz duşmanyň hasaplamak. *Sen meni özüňe duşman okunmagyn* (N. Pomma). **Duşmany güldürmek** il gözüne masgara bolmak, öz aýbyňy özüň açmak. *Biziň öz duşmanlarymyzy güldürmegimiz nämä gerek?* (B. Kerbabaýew).

**DUŞMANÇYLYK** [duşma:nçylyk], *at, ser.* **Duşmanlyk**.

**DUŞMANÇYLYKLY** [duşma:nçylykly], *syp.* Dostlukly däl, duşmançylyk ýagdaýynda bolan. *Duşmançylykly meýilli adama gabat gelmedik* ("Edebiýat we sungat").

**DUŞMANLY** [duşma:nly], *syp.* Duşmany bar bolan. *Duşmanly bolup ýaşamak aňsat däl.*

**DUŞMANLYK** [duşma:nlyk], *at.* Biri-biriňi ýigrenmeklik netijesinde döreýän gatnaşyk we edilýän hereket. *Güjük han, men seni duşmanlykdan aýyplamok* (B. Kerbabaýew).

**DUŞMANLYRAK** [duşma:nlyra:k], *syp.* Duşmany bar ýalyrak. *Men ol duşmanlyrakmyka diýýän.*

**DUŞURMAK** [du:şurmok], *işl.* **1**. Sataşdyrmak, duş etmek. *Meni saňa duşuranyna hudaýa ýüz müň şükür edýän.* **2**. Bir işi şowuna düşürmek, ýerine düşürmek.

**DUŞUŞ** [du:şuş], *iş ady.* Duşmak ýagdaýy. *Oňa duşuşym tötänden boldy.*

**DUŞUŞDYRMAK** [du:şuşdurmok], *işl.* Iki adamy biri-biri bilen sataşdyrmak, duş getirmek, görüşdirmek.

**DUŞUŞMAK** [du:şuşmok], *işl.* **1**. Birek-birek bilen görüşmek, kabul edişlikde, oturyşykda we ş.m. ýerde bile bolmak. *Men toýda köne dostum bilen duşuşdym.* **2**. Ýaryşmak üçin iki tarap bolup oýnamak, göreşmek, ýüzmek we ş.m. *Şu gün iki mekdebiň basketbolçylary duşuşýar.*

**DUŞUŞYK** [du:şuşuk], *at.* **1**. Biri-biriň bilen duşuşmaklyk. **2**. Biri bilen tanyşmak hem-de gürrüňdeş bolmak maksady bilen guralýan kabul edişlik. *Daşary ýurtly alymlar bilen bolan duşuşyk gyzykly geçdi.* **3**. Güýç synanyşmak üçin geçirilýän ýaryş. *Woleýbolçylaryň duşuşygy.*

**DUTAR** [du:ta:r], *at.* Tut agajyndan köwlüp, ýarym kädi görnüşli ýasalýan, uzyn saply, iki kirişli türkmen halk saz guraly, tamdyra. *Bagşy dutaryň kirşine kakdy-da, çalyp başlady* ("Edebiýat we sungat").

**DUTARÇY** [du:ta:rçy], *at.* **1**. Dutar ýasaýan ussa. *Dutarçy ussa.* **2**. Dutar çalýan sazanda. *Mylly aga ir döwürlerden başlap Türkmen radiosynyň dutarçysy bolup işläpdi.*

**DUW-AK** [duw-wa:k], *syp.* Ap-ak, dym-ak, çuw-ak, örän ak, diýseň ak. *Täze salnan mekdep uzakdan duw-ak bolup görünýärdi.*

**DUW-DAGYN** [duw-da:ğyn], *syp.* Pytraşyp ýatan, dagaşyp ýatan, dyr-pytrak, çalam-çaş. *Etekdäki bulutlar duw-dagyn boldy* (A. Gowşudow). *Tamlaryň, kepbeleriň turbalaryndan çykýan tüsseler duw-dagyn bolup pytraýardy* (A. Durdyýew).

**DUÝARLYKLY** [duýorlukly], *syp.* Duýup bolýan ýagdaýdaky.

**DUÝDANSYZ** [duýda:nsyz], *syp.* Garaşylmadyk ýagdaýda, birden. *Duýdansyz gelen derňewçi adamlary alada goýdy.*

◊ **Duýdansyz ýerden** duýdansyz ýagdaýda, duýdansyzlykda, birden. *Olar duýdansyz ýerden näme bolanyna düşünmän, zöwwe ýerlerinden galdylar* (B. Kerbabaýew).

**DUÝDANSYZLYK** [duýda:nsyzlyk]. Duýdansyz ýagdaý, ahmal, habarsyz galynan ýagdaý, bilinmän, gapyl galynan ýagdaý. *Biri duýdansyzlykda boýnundan aslyşdy* (A. Nazarow).

**DUÝDANSYZRAK** [duýda:nsyzyra:k], *syp.* Belli derejede duýdansyz.

**DUÝDURMA** [duýdurmo], *iş ady.* Duýdurmak ýagdaýy.

**DUÝDURMAK** [duýdurmok], *işl.* Habardar etmek, habarly etmek. *Ogulaýa ýagdaýy duýduraýyn diýse-de, ony nireden gözläp tapjagyny bilmedi* (R. Gelenow).

**DUÝDURMAKLYK** [duýdurmokluk], *iş ady.* Duýdurmak ýagdaýy.

**DUÝDURMAZLYK** [duýdurmozluk], *iş ady.* Duýar ýaly etmezlik.

**DUÝDURYBERMEK** [duýduruvermek], *işl.* Duýduryp ugramak, başlamak.

**DUÝDURYŞ** [duýduruş], **1**. *iş ady.* Duýdurmak ýagdaýy. *Onuň gijikdirip duýduryşy birhiliräk bolupdyr.* **2**. *at.* Habarly etmek üçin öňünden berilýän maglumat.

◊ **Duýduryş bermek** nädogry edilen iş üçin temmi hökmünde görülýän çäre. *Gijä galyp işe geleni üçin duýduryş berildi.*

**DUÝGUDAŞ** [duýğudoş], *syp.* Duýgudaşlyk edýän, duýgudaşlyk bildirýän. *Ýagşy, duýgudaş sözleşmek islemeseň, ýönekeý ýoldaşlarça beri habar alsaň bolmaýarmy!* (B. Kerbabaýew). *Duýgudaş adam*.

**DUÝGUDAŞLYK** [duýğudoşluk], *at.* **1**. Bir pikire eýermeklik, raýdaşlyk, pikirdeşlik. *Häzir bolsa ol täzeliklere duýgudaşlyk bildirýär* (H. Derýaýew). **2**. Başga biriniň hasratyna, gynanjyna seslenmeklik, öz gynanjyňy bildirmeklik. *Şahyra biragyzdan duýgudaşlyk bildirdiler* (G. Kulyýew).

**DUÝGUDAŞRAK** [duýğudoşura:k], *syp.* Az-da-kände duýgudaş.

**DUÝGULY** [duýğuly], *syp.* Duýgusy bolan, syzýan, aňýan.

**DUÝGULYLYK** [duýğululuk], *at.* Duýgusy barlyk, duýgy, syzyş, aňyş ukybyna eýe bolmaklyk.

**DUÝGUR** [duýğur], *syp.* Duýmak, aňmak ukyby güýçli ösen, tiz duýýan, syzgyr. *Ol örän duýgur ýigit* (B. Kerbabaýew).

**DUÝGURLYK** [duýğurluk], *at.* Duýgur bolmaklyk, duýmaklyk ukyby güýçlülik, syzgyrlyk. *Atyň duýgurlygy*.

**DUÝGURRAK** [duýğurra:k], *syp.* Azda-kände duýgur.

**DUÝGUSYZ** [duýğusuz], *syp.* Duýmak ukybyny ýitiren, duýmaklyk häsiýeti bolmadyk, syzgyr däl.

**DUÝGUSYZLYK** [duýğusuzluk], *at.* Duýgusy bolmazlyk, duýgusy ýokluk, syzyş, aňyş ukyby ýokluk.

**DUÝGY** [duýğy], *at.* Adam tarapyndan duýulýan, syzylýan ruhy hem-de bedeni syzyşlaryň, duýuşlaryň jemi. *Şatlyk duýgusy. Yşk duýgusy.*

**DUÝGY-DÜŞÜNJE** [duýğu-düşünjö], *at.* Adamyň ýokary nerw sistemasynyň häsiýetli aýratynlygy hökmünde pähimlenmek, duýmak, düşünmek hem-de hakykata bolan öz gatnaşygyňy kesgitläp bilmek ukyby. *Oňa eýýämden goşunyň ady täsir edip, duýgy-düşünjesinde özgeriş döredip başlapdy* (A. Durdyýew).

**DUÝMA** [duýmo], *iş ady.* Duýmak ýagdaýy.

**DUÝMAK** [duýmok], *işl.* **1**. Aňmak, bilmek. *"Garyp öldi" diýdiler, üç günden soň duýdular (Atalar sözi). Biz şeýle bolanny soň duýup galdyk, Bir seretsek, saçymyzyň agy bar* (B. Hudaýnazarow). **2**. Agyryny ýa-da bedene edilýän täsiri syzmak. *Agyryny duýmak.*

**DUÝMAKLYK** [duýmokluk], *iş ady.* Duýmak ýagdaýy.

**DUÝŞUKLY**, *syp.* Bir zat barada iki tarap hem bilýän ýagdaýda bolan, bilgili. *Ýowaryň geçiriljek wagtyndan gijä galmaz ýaly hemmämiz duýşukly bolalyň.*

**DUÝULMAK** [duýulmok], *işl.* **1**. Aňylmak, bilinmek, bildirmek. *Onuň keşbinde bir agyrlyk duýulýardy* (B. Kerbabaýew). **2**. Agyry, bedene edilýän täsir we ş.m. syzylmak. *Onuň bolşundan bir agyrlyk duýulýardy*.

**DUÝUŞMAK** [duýuşmok], *işl.* Kem-kemden duýmak, kem-kemden eşitmek (birden köp adam hakda).

**DUZ** [du:z], *at.* **1**. Gazylyp alynýan, nahara atylýan, çörek bişiriljek hamyra we ş.m. goşulýan ýiti tagamly ak jisim. *Togsan dürli tagam bolsa gaşyňda, Ne lezzet içinde duz hem bolmasa* (Magtymguly). *Türkmenistanda*

*tok, gaz, suw, duz ilat üçin mugtdur.* **2**. Çörek, nahar ýaly iýmit önümleriniň jemi. *Her niçe ýaşasaň ýeriň ýüzünde, Adam ogly bäş gün duza myhmandyr (Magtymguly).*

◊ **Duz datmazlyk** hiç zat iýmezlik. *Men şu gün duz dadamok.* **Duz kessin!** "jezamy iýen duzum bersin, iýen duzumdan tapaýyn, çypbakaý çynym" diýen manyda ulanylýan aňlatma. *Duz kessin, ynan, Garly ussa!* (A. Gowşudow). **Duzuny gaçyrmak** bir zadyň ähmiýetini peseltmek, lezzetini gaçyrmak, tagamyny gaçyrmak. *Ol gyzykly waka hakda söz açsa-da, duzuny gaçyransoň, gürrüňi diňleýjiniň göwnünden turmaýardy.* **Duzuny görmek (datmak) 1)** naharyň duzunyň nä derejededigini barlap görmek. *Jerçi gazanyň gapagyny göterip, onuň duzuny datdy (B. Seýtäkow).* **2)** nahardan we ş.m. sähelçe iýmek. *Bir nesihat bereý, pendimi alsaň, Kişi aşynyň duzun dadyjy bolma* (Magtymguly). **Duzuny iýmek** bir adamyň öýünde naharyny, duz-çöregini iýmek. *Seniň duzuň iýdim, nanyňy iýdim...* (G. Ezizow).

**DUZAK** [duzok], *at.* **1**. Çöl jandarlaryny, gaçak maly we ş.m. tutmak üçin halka görnüşli gurulýan tilsim, emel. *Ol awçy tor atyp balyk tutmak, duzak gurup guş tutmak we şular ýaly awlar bilen güzeran görýän eken* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. *göç.m.* Biri ýa-da bir zat üçin edilýän mekirlik, aldaw, hile.

◊ **Duzagyna ilmezlik** biriniň aldawynyň gurbany bolmazlyk, aldawyna düşmezlik. *Artyk onuň duzagyna ilmedi* (B. Kerbabaýew). **Duzak gurmak** aldamak üçin hile gurmak.

**DUZ-ÇÖREK** [du:z-çörök], *at.* Iýlip-içilýän tagam, nahar. *Türkmen öýüne gelip, duz-çörek datman gitmek nähili bolar!* (B. Kerbabaýew).

◊ **Duz-çörek iýişmek** birek-biregiň duz-çöregini iýip, ýakyn aragatnaşykda, dostlukly ýagdaýda bolmak, köp wagt bile tirkeşmek. *Bular bilen köpden bäri duz-çörek iýişýänimiz üçin, meniň sözüme şübhelenmejeklerine ynanýardym* (B. Kerbabaýew).

**DUZÇUL** [du:zçul], *syp.* Duzly tagamy halaýan. *Duzçul adam.*

**DUZÇULLYK** [du:zçulluk], *at.* Duzçul bolmaklyk, duzçulyň ýagdaýy. *Duzçullyk hem gowy zat däl.*

**DUZÇULRAK** [du:zçulura:k], *syp.* Belli derejede duzçul, azda-kände duzçul. *Duzçulraklygymy özümem halap baramok.*

**DUZDAN** [du:zza:n], *at.* Duz salynýan kiçijik çüýşe ýa-da jäjem gap, guty. *Ol saçagyň üstünde duran duzdandan azajyk aldy-da, iýmäge başlan çorbasyna sepdi.*

**DUZ-EMEK** [du:z-emek]: **duz-emek bolmak** *ser.* **Duz-çörek iýişmek**.

**DUZLABERMEK** [du:zla:vermek], *işl.* Duzlap başlamak.

**DUZLAG** [du:zloğ], *at.* Duz çykýan ýer, duz käni, meýdanda duzly suwuň ýatýan ýeri. *Duzlaga düşen duz bolar* (Nakyl). *Ýol kenarynda şorluk meýdan duzlag ýaly agaryp ýatyrdy* (B. Kerbabaýew).

**DUZLAMA** [du:zlomo], *iş ady.* Duzlamak ýagdaýy.

**DUZLAMAK** [du:zlomok], *işl.* **1**. Zaýalanmazlyk üçin ete, derä we ş.m. duz bermek, duz sepmek. *Deri duzlamak.* **2**. Duza ýatyrmak, duza basmak. *Hyýar duzlamak. Kelem duzlamak.* **3**. *göç.m.* Şerebeli söz bilen biriniň ýüzüni almak, birine şerebeli söz aýtmak.

**DUZLAMAKLYK** [du:zlomokluk], *iş ady.* Duzlamak ýagdaýy.

**DUZLAMAZLYK** [du:zlomozluk], *iş ady.* Duzlamak işini etmezlik.

**DUZLANMAK** [du:zlonmok], *işl.* **1**. Ete, derä we ş.m. duz sepilmek, duz berilmek. *Palawa atyljak etler öňünden duzlanyp, gazana basyldy.* **2**. Özüň üçin duzlamak. *Ol hyýar duzlandy.* **3**. *göç.m.* Birine şerebeli söz aýdylmak.

**DUZLAŞDYRMAK** [du:zloşdurmok], *işl.* **1**. Zaýalanmazlyk üçin etlere, derilere we ş.m. duz sepişdirip çykmak. **2**. Duza ýatyryşdyryp çykmak, duza basyşdyrmak.

**DUZLAŞMAK** [du:zloşmok], *işl.* **1**. Duzlamaga kömek etmek. *Gyzy ejesine kelem duzlaşdy.* **2**. Bilelikde duzlamak. *Eneli-gyz balyk duzlaşyp otyrdylar.*

**DUZLATMAK** [du:zlotmok], *işl.* Duzlamak işini başga birine etdirmek; duzlamaga mümkinçilik bermek; duzlamaga mejbur etmek. *Kelemdir pamador duzlatmak.*

**DUZLUK** [du:zluk], *at.* **1**. Duzuň köp çykýan ýeri, duz käni, duzlag. **2**. *gepl.d.* Çörek, nan. *Her kim duzlugyny iýen adamdan erbet zada garaşmaýar ahyry. Men her baran ýerimiň duzlugyny ilki bilen özüm dadýandyryn.* **3**. Balyk duzlamak üçin ýörite taýýar edilen duzly suw. *Kakadyljak balyklary bir gije-gündizläp duzlukda ýatyrylýar.*

**DUZLULYK** [du:zluluk], *at.* **1**. Duzy artyklyk, duzy köp düşen ýagdaýda bolmaklyk, şorluk. **2**. *göç.m.* Erbet täsirlilik, şerebelilik, awulyk (söz, dil hakynda). *Onuň diliniň duzlulygy galjak däl.*

**DUZLURAK** [du:zlura:k], *syp.* Azda-kände duzly. *Çorba duzlurak bolupdyr.*

**DUZLY** [du:zly], *syp.* **1**. Düzüminde duz bolan. *Duzly suw.* **2**. Duzy köp düşen, duzy gereginden artyk. *Duzly çorba.* **3**. Duza ýatyrylan. *Duzly hyýar. Duzly kelem.* **4**. *göç.m.* Erbet täsir galdyrýan, şerebeli, awuly (aýdylýan söz hakynda). *Garýagdy hem häli-şindi duzly dilini ýetirer durardy* (H. Ysmaýylow).

**DUZSUZ** [du:ssuz], *syp.* **1**. Duzy bolmadyk, duzy az, duzy ýetmedik. *Duzsuz bişen aş gördüm* (Halk döredijiliginden). **2**. *göç.m.* Ýerliksiz, manysyz, biderek,

ýuwnuksyz, suwjuk (söz hakynda). *Suwuk, duzsuz, ýuwnuksyz sözleri tirkeşdirip goşgy ýazýardy.*

**DUZSUZLANDYRMAK** [du:ssuzlonnurmok], *işl.* Duzuny aýyrmak, duzdan arassalamak. *Deňiz suwuny duzsuzlandyrmak.*

**DUZSUZLANMAK** [du:ssuzlonmok], *işl.* Duzy aýrylmak, duzdan arassalanmak.

**DUZSUZLAŞMAK** [du:ssuzloşmok], *işl.* Duzy az-kem aýrylyşmak.

**DUZSUZLYK** [du:ssuzluk], *at.* **1**. Duzy bolmazlyk, duzy ýokluk. *Derýa suwunyň duzsuzlygy.* **2**. Ýuwanlyk. *Naharyň duzsuzlygy*. **2**. *göç.m.* Ýerliksiz, manysyz gürlemeklik, ýuwnuksyzlyk, suwjuklyk. *Sözüň duzsuzlygy.*

**DUZSUZRAK** [du:ssuzura:k], *syp.* Azda-kände duzsuz, belli derejede duzsuz, ýuwanrak. *Duzsuzrak nahar.*

**DUZTORBA** [du:zto:rvo], *at.* Içine duz salynýan kiçiräk dokama torba. *Ol doga diýip gelene edil ejemiň duztorbasyndaky ýaly duzy berip goýberýär* (N. Saryhanow).

**DÜBLEME** [düvlömö], *iş ady.* Dübläp durmak ýagdaýy.

**DÜBLEMEK** [düvlömök], *işl.* Meslikden ýaňa yrsarap, agzyňa gelen gödek sözleri aýtmak; ýersiz-ýere biriniň üstüne sürünmek.

**DÜBLEMEKLIK** [düvlömöklük], *iş ady.* Düblemek ýagdaýy.

**DÜBLEMEZLIK** [düvlömözlük], *iş ady.* Dübläp durmazlyk.

**DÜBLEŞMEK** [düvlöşmök], *işl.* Bilelikde düblemek.

**DÜBLEÝIŞ** [düvlöýüş], *iş ady.* Düblemek ýagdaýy.

**DÜBLÄBERMEK** [düvlä:vermek], *işl.* Dübläp ugramak.

**DÜKAN** [düka:n], *at.* Her hili haryt satylýan söwda jaýy.

**DÜKANÇY** [düka:nçy], *at.* Dükanda söwda edýän adam; dükanyň eýesi.

**DÜKBERDEN**, *at, dokm.* Çarh iginiň tüte saramak üçin peýdalanylýan uly görnüşi.

◊ **Dükberden ýaly** daş guruwy gödeksi, gödensiz (adam hakynda).

**DÜK**, *s. ş. aňl. söz.* Bir zat başga bir zada degende çykýan tutuk hem batly ses. *Içine agyr zat salnan horjun dük edip ýere gaçdy.*

**DÜK-DÜK**, *s. ş. aňl. söz.* Bir zat başga bir zada yzly-yzyna degende gaýta-gaýta çykýan tutuk hem batly sesler.

**DÜKGE** [dükgö], *at.* **1.** Aşygyň jikgesiniň tersi, arka ýüzi, güberçek tarapy, tükge.

◊ **Dükge (tükge) düşmek** aýaklaryňy ýygnap, ýüzüňi aşak edip tüňňerip ýatmak. *Ol dükge düşüp aglady.*

**DÜKGI** [dükgü], *at, dokm.* Küji agajynyň aşagynda goýmak üçin agaçdan, palçykdan ýasalan ýassyk.

**DÜKGÜLDEMEK** [dükgüllemek], *işl.* Dük-dük edip ses çykarmak, dükgüldili seslenmek.

**DÜKGÜLDI** [dükgülli], at. Bir zat başga bir zada degende çykýan tutuk hem batly sesiň ady.

**DÜKGÜRDI** [dükgürdü], *at, ser.* **Dükürdi**. *Dalanyň çetinde peýda bolan köpsanly ädik dükgürdisi gapyjygy gyssanmaç ýapmaga ony mejbur etdi* (B. Kerbabaýew).

**DÜKJE** [dükjö], *at. dokm.* Daşyna ýüplük saralan tüte, ullakan tegek.

**DÜKÜRDEME** [dükürdömö], *iş ady.* Dükürdemek ýagdaýy.

**DÜKÜRDEMEK** [dükürdömök], *işl.* Dükürdili ses çykmak, dükür-dükür etmek. *Atlaryň nally toýnaklary dükürdedi.*

**DÜKÜRDEŞMEK** [dükürdöşmök], *işl.* Köpçülikleýin dükürdemek.

**DÜKÜRDETDIRMEK** [dükürdötdürmök], *işl.* Başga birine dükürdetmäge ýol bermek, mümkinçilik bermek.

**DÜKÜRDETMEK** [dükürdötmök], *işl.* Dükürdili ses çykarmak, dükür-dükür etmek.

**DÜKÜRDÄBERMEK** [dükürdä:vermek], *işl.* Dükürdäp ugramak.

**DÜKÜRDI** [dükürdü], *at.* Ýörelende, ylgananda, tans edilende we ş.m. aýakdan çykýan sesiň ady. *Ýakynda at aýagynyň dükürdisi eşidildi* (G. Kulyýew).

**DÜKÜRDILI** [dükürdülü], *syp.* Dükürdi gatyşykly ses çykarýan.

**DÜKÜR-DÜKÜR**, *s. ş. aňl. söz.* Ýörelende, ylgananda, tans edilende we ş.m. ýagdaýlarda aýakdan yzly-yzyna çykýan dükürdili ses.

**DÜME** [dümö], *at.* Ýagyş, gar suwunyň yzgaryna, sil suwunyň baran ýerine ekilýän ekin. *Onuň kakasy ýatymlaýyn gidip, dag içiniň amatly ýerlerinde ekilen düme arpalary orýardy* (B. Kerbabaýew).

**DÜMEÇI** [dümöçü], *at.* Düme ekin ekýän adam.

**DÜMEÇILIK** [dümöçülük], *at.* Düme ekin ekilen ýer. *...Kolhoz näme iş buýursa, dannawsyz edip ýör, arasynda dümeçiligimizdäki peýkalymyza barybam işläp gaýdýar* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Döwlet guşy").

**DÜMEGÄR** [dümöğä:r], *at, ýerli g., ser.* **Dümeçi**. Düme ekin ekýän adam, dümeçi. *Ýa küýzegär ozdyr, ýa-da – dümegär* (Nakyl).

**DÜMEW** [dümöw], *at.* Sowuklamak, sowuk urdurmak sebäpli ýüze çykýan nähoşluk, ýoň. *Dümewden gözüm açylmady* (K. Berdiýew).

**DÜMEWLEGEN** [dümöwlöğön], *syp.* Ýygy-ýygydan dümewläp durýan (adam hakda).

**DÜMEWLEME** [dümöwlömö], *işl.* Dümewlemek ýagdaýy. *Işimi çalt gutaryp bilmänligime yzly-yzyna dümewlemäm sebäp boldy.*

**DÜMEWLEMEK** [dümöwlömök], *işl.* Dümew degmek, dümew degip nähoşlamak, ýoňlamak. *Ýeňiljek dümewläpdir diýmeseň, näsagyň gorkuly keseli ýok eken* ("Edebiýat we sungat").

**DÜMEWLEMEKLIK** [dümöwlömöklük], *iş ady.* Dümewlemek ýagdaýy.

**DÜMEWLEMEZLIK** [dümöwlömözlük], *iş ady.* Dümew degmezlik, dümew degip nähoşlamazlyk, ýoňlamazlyk.

**DÜMEWLEŞMEK** [dümöwlöşmök], *işl., gepl.d.* Köpçülikleýin dümewlemek.

**DÜMEWLETMEK** [dümöwlötmök], *işl.* Ugruny indemän, dümewlemegine sebäp bolmak.

**DÜMEWLÄBERMEK** [dümöwlä:vermek], *işl.* Dümewläp ugramak; dümew bilen kesellemek; dümewläp ýörmek. *Ýygy-ýygydan dümewläbermek bolarmy?*

**DÜMTÜNDIRMEK** [dümtünnürmök], *işl.* Dümtünmäge goýmak, ýol bermek.

**DÜMTÜNIBERMEK** [dümtünüvermek], *işl.* Dümtünip ugramak. *Ejemiň gözüniň gytagy bilen seredýänini aňyp, kitaba dümtüniberdim.*

**DÜMTÜNIŞ** [dümtünüş], *iş ady.* Dümtünmek ýagdaýy.

**DÜMTÜNIŞMEK** [dümtünüşmök], *iş ady.* Bilelikde dümtünmek, birnäçe bolup dümtünmek. *Ikisi eýesiz howlynyň burçunda, öňlerine kagyzlaryny üýşürip, hata dümtünişip otyrdylar* ("Edebiýat we sungat").

**DÜMTÜNME** [dümtünmö], *iş ady.* Dümtünmek ýagdaýy.

**DÜMTÜNMEK** [dümtünmök], *işl.* Bir iş bilen gümra bolup oturmak, güýmenip oturmak. – *Gyzym, Bahar, biz bu halylaryň üstünde gözümizi gerip dümtünýäris* (A. Gowşudow). *Ýarym gije görseň-de, tamynda bir zada dümtünip oturandyr* (N. Jumaýew).

**DÜMTÜNMEKLIK** [dümtünmöklük], *iş ady.* Dümtünmek ýagdaýy.

**DÜMTÜNMEZLIK** [dümtünmözlük], *iş ady.* Dümtünip oturmazlyk, dümtünip durmazlyk.

**DÜNÝE** [dünýö], *at, ser.* **Dünýä.** *Hamala çagalyk geçmejek ýaly, Çagalygyň kenarynda kän durdum. Bu dünýe durşuna sowaldy maňa, Şo sowallaň jogabyna näm berdim* (G. Ezizow).

◊ **O dünýe, bu dünýe** ömürbaky, hemişe, ylahym. *Siziň hossarçylygyňyzy o dünýe, bu dünýe ýatdan çykarman* (B. Seýtäkow).

**DÜNÝEWI** [dünýöwü], *syp.* Hakyky dünýä mahsus häsiýetli, dini däl. *Dünýewi döwlet.*

**DÜNÝEWILIK** [dünýöwülük], *syp.* Hakyky dünýä kysmylyk.

**DÜNÝÄ** [dünýä:], *at.* **1**. Bütin ýer togalagy, jahan, älem. *Ýedi dag, ýedi derýa, Däli dünýäni görsem* (Magtymguly). *Seniň bilen dünýäniň o çetine-de gitmäge razy* (G. Kulyýew). **2**. Durmuş, ýaşaýyş. *Şu mahal Berdiden: – Seniň dünýäde näme maksadyň bar?- diýip sorasaň, "Şu oýnaklap duran gara göze ýetmek maksadym bar" Idiýjegine şek-şübhe ýokdy* (H. Derýaýew). **3**. Döwür, zaman, eýýäm. *Köne dünýä göýä ömrüniň soňuna ýetip, zamana ahyr bolana meňzeýärdi* (B. Seýtäkow). **4**. Aýratyn gurluşy bolan adamzat jemgyýeti. *Dünýäler üýtgäp dur.* **5**. Gyza dakylýan at.

◊ **Dünýäden bihabar** hiç zatdan habarsyz. *Okuwçylar bolsa dünýäden bihabar, öz aralarynda degişme gürrüňler edip gülşüp, şatlykly şowhunlary bilen köçäni dolduryp barýardylar* (A. Gowşudow). **Dünýäden habarly** hemme zady bilýän, hemme zatdan habarly. *Senem dünýäden habarly-ow!* **Dünýäden ötmek** aradan çykmak, amanadyny tabşyrmak, ölmek, ýogalmak, gaýtmak. *Ol pahyr öten ýyl däl, öňküsi ýyl dünýäden ötdi* (G. Kulyýew). **Dünýä dursun**, **sen dur!** ömrüň uzak bolsun, uzak ýaşa. **Dünýä inmek** eneden bolmak, dogulmak. **Dünýäň azabyndan dynmak** ölmek. **Dünýäň daralmak** örän darykmak, gaty gysylmak, uly alada galmak. **Dünýäň zady** mukdar taýdan köp, ummasyz. *Jeren sowgat diýip dünýäň zadyny getiripdir.* **Dünýä ýygmak** uly baýlyk toplamak. *Dünýä ýygan gider emlägin goýup, Geýip gider alty gary bizleri* (Seýdi).

**DÜNÝÄGARAÝYŞ** [dünýä:ğaraýyş], *at.* Tebigata we jemgyýete bolan garaýyşlaryň, düşünjeleriň sistemasy. *Ylmy dünýägaraýyş.*

**DÜNÝÄSÖÝER** [dünýä:söýör], *syp.* Dünýäni söýýän, dünýä söýgi bilen garaýan. *Ol terkidünýälikden ozal dogan, şähdaçyk, dünýäsöýer ýigitdi* (G. Kulyýew).

**DÜŇDEREŇKIRLEMEK** [düňdöröňkürlömök], *işl.* Düňdermäge ýakynlamak. *Gazany tasdan düňdereň-kirläpdim.*

**DÜŇDERIBERMEK** [düňdörüvermek], *işl.* Düňderip başlamak; düňdermek işini dowam etmek.

**DÜŇDERILIŞMEK** [düňdörlüşmök], *işl.* Köp mukdarda düňderilip, agdarylyp ýatmak, agdarylyşmak. *Onuň içindäki düňderilişip ýatan daşlar-da sil suwunyň joşgunly gelýänini habar berýärdi* (B. Kerbabaýew).

**DÜŇDERILMEK** [düňdörülmök], *işl.* **1**. Düýbi ýokaryk, agzy aşak edilip goýulmak (gap-gaç we ş.m. hakynda). *Ýuwlan gazanlar, jamlar düňderilip goýuldy.* **2**. Başaşak ýykylmak, başaşak gaýtmak. **3**. *göç.m.* Ýeňsäňi tüňňerdip, nägilelik, öýke-kine bildirmek. *Gardaş, ile goşulman, düňderilip oturmak saňa gelşikli däl!*

◊ **Düňderilip akmak (barmak)** batly, towlanyp akmak (suw hakynda). *Artyk düňderilip barýan suwa göz gezdirdi* (B. Kerbabaýew). **Düňderilip ýatmak** köp mukdarda görnüşip ýatmak (gawun, garpyz we ş.m. hakynda). *Bakjalarda gawunlar düňderilip ýatyrdy* (B. Seýtäkow).

**DÜŇDERIŞDIRMEK** [düňdörüşdürmök], *işl.* Birnäçe zady düňderip çykmak, köp zady ýeke-ýekeden düňdermek.

**DÜŇDERIŞMEK** [düňdörüşmök], *işl.* **1**. Düňdermäge kömek etmek. *Gaty agyr bolansoň, jigim maňa çoýundan guýlan ýüzlük gazany düňderişdi.* **2**. Bilelikde düňdermek. *Ikisi ýuwlan gazanlary düňderişip ýördüler.*

**DÜŇDERME** [düňdörmö], *iş ady.* Düňdermek ýagdaýy.

**DÜŇDERMEK** [düňdörmök], *işl.* Düýbüni ýokaryk, agzyny aşak edip goýmak (gap-gaç we ş.m. hakynda). *Kempir çynaryň düýbüne gelip, gazany suwuň boýunda düňderipdir-de, ak geýimleri gazanyň garasyna süýkäberipdir* ("Türkmen halk ertekileri"). *Ogulbike çemçe we çanagyny ýuwup, gazanyň üstüne düňderdi* (A. Durdyýew).

**DÜŇDERMEKLIK** [düňdörmöklük], *iş ady.* Düňdermek ýagdaýy.

**DÜŇDERMEZLIK** [düňdörmözlük], *iş ady.* Düňderip goýmazlyk.

**DÜŇDERTDIRMEK** [düňdörtdürmök], *işl.* Başga birine düňdertmek.

**DÜŇDERTMEK** [düňdörtmök], *işl.* Düňdermek işini başga birine etdirmek. *Gazanlary ojagyň başyndaky oglanlara düňderdäýsene!*

**DÜŇELEGRÄK** [düňölöğrä:k], *syp.* Azda-kände düňelek.

**DÜŇELEK** [düňölök], *syp.* Adatdaky şekilden ullakan, gabaraly, tagaşyksyz. *Onuň yzyndaky kelte aýakly gär ýabynyň üstündäki mähnet düňelek adam ýabysyny ýüzin salyp barýar* (B. Kerbabaýew). *Ol özüniň ullakan ysajy bilen bir düňelek demri körügiň üstünde goýup, körügini basýardy* (A. Gowşudow).

**DÜŇK**, **1**.*s. ş. aňl. söz.* Düňküldini emele getirýän ses. *Ýokardan düňk edip bir zad-a gaçdy.* **2**. Kerwende hataryň iň yzyndaky düýäniň boýnuna dakylýan uly jaň. *Emma ejeligimiň dili hatardaky düňküň dili ýaly birhili waňlap durýar* (B. Kerbabaýew).

◊ **Düňk etmek** ykjam oturmak (aşyk sülnende). *Aşyk düňk edip, alçy münüpdir* (H. Ysmaýylow). **Düňk ýasamak** gaty-gaty ylgap gitmek, batly ýöräp gitmek. *Ol ejesine tarap düňk ýasady.*

**DÜŇK-DÜŇK**, *s. ş. aňl. söz.* Yzly-yzyna çykýan düňküldili ses. *Ýekedabanyň düňk-düňki eşidilýärdi.*

**DÜŇKÜLDEME** [düňküllömö], *iş ady.* Düňküldemek ýagdaýy.

**DÜŇKÜLDEMEK** [düňküllömök], *işl.* **1**. Düňk-düňk edip ylgamak, gaty ýöremek. *Oglanjyk düňküldäp gitdi.* **2**. Düňküldili ses çykmak, düňk-düňk edip seslenmek.

**DÜŇKÜLDEMEKLIK** [düňküllömöklük], *iş ady.* Düňküldeme gymyldy-hereketi.

**DÜŇKÜLDEMEZLIK** [düňküllömözlük], *iş ady.* Düňküldili hereket etmezlik.

**DÜŇKÜLDEŞMEK** [düňküllöşmök], *işl.* Birden artyk bolup düňk-düňk edip ylgamak, gaty ýöremek.

**DÜŇKÜLDETMEK** [düňküllötmök], *işl.* **1**. Düňküldili ses çykarmak. **2**. Batly urmak, gaty urmak. *Ol gapdalyndan çykanyň ýeňsesine düňküldetdi.*

**DÜŇKÜLDÄBERMEK** [düňküllä:vermek], *işl.* Düňküldäp başlamak.

**DÜŇKÜLDEÝIŞ** [düňküllöýüş], *iş ady.* Düňküldemek ýagdaýy.

**DÜŇKÜLDI** [düňküllü], *at.* Ýörelende, batly urgy we ş.m. sebäpli çykýan güňleç ses. *Ol ýüreginiň düňküldisine diň saldy.*

**DÜŇLE** [düňlö], *syp.* **1**. Gepe-gürrüňe gatyşmaýan, ile goşulmaýan. *Näme diýsene, men saňa hemişe-de aýdýan weli, sen özüň birhili düňle* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Janly-jandarsyz, adamsyz, jemendesiz. *Düňle çöl.*

**DÜŇLELIK** [düňlölük], *at.* Düňle häsiýetlilik.

**DÜŇLERÄK**, [düňlörä:k], *syp.* Azda-kände düňle. *Ol bir düňleräk adamdy.*

**DÜŇŇÜRDEME** [düňňürdömö], *iş ady.* Düňňürdemek ýagdaýy.

**DÜŇŇÜRDEMEK** [düňňürdömök], *işl.* Düňňürdili ses çykmak.

**DÜŇŇÜRDEMEKLIK** [düňňürdömöklük], *iş ady.* Düňňürdemek ýagdaýy.

**DÜŇŇÜRDEMEZLIK** [düňňürdömözlük], *iş ady.* Düňňürdäp durmazlyk, düňňürdili ses çykarmazlyk.

**DÜŇŇÜRDEŞMEK** [düňňürdöşmök], *işl.* Düňňürdili sesleri çykarmak (köp zat hakynda). *Düýeleri düňňürdeşip saz eder* (B. Kerbabaýew).

**DÜŇŇÜRDETMEK** [düňňürdötmök], *işl.* Düňňürdili ses çykarmak. *Ýaş gelin düwmelerini düňňürdedip gelýärdi.*

**DÜŇŇÜRDÄBERMEK** [dünňürdä:vermek], *işl.* Düňňürdäp başlamak.

**DÜŇŇÜRDI** [düňňürdü], *at.* Düňk, düwme, jaň ýaly zatlardan çykýan ses.

**DÜŇŇÜR-DÜŇŇÜR**, *s. ş. aňl. söz.* Yzly-yzyna çykýan düňňürdili ses. *Düwmeleň düňňür-düňňür, çaňňalaň şaňňyr-şaňňyr* (A. Mämmedow).

**DÜP-DÜZ**, *syp.* **1**. Tep-tekiz, endigan, tekiz, düz. *Obanyň ilersindäki çukurlyk indi düp-düzdi.* **2**. *göç.m.* Ýerbe-ýer. *Gorkma, baran badyma sygryň dili ýaly kagyza hat ýazagadan gütülederin welin, öňküjämiz ýaly bary düp-düz bolaýar* (N. Pomma).

**DÜR**, *at.* Käbir balykgulaklaryň bedeninde emele gelýän ak, sarymtyl, gyzgylt, gymmatbahaly däne görnüşli gaty jisim, ol bezeg şaýy hökmünde ulanylýar. *Dür derýadan çykabilmez, Nazar kylsa dişleriňe* (Mollanepes).

◊ **Dür saçmak** manyly, çeper gürlemek. *Magtymguly, ýangyl, öçgül, Ýa lal otur, ýa dür saçgyl* (Magtymguly). *Käşki soran bolsa saçadym dürler* (Magtymguly).

**DÜRBI** [dürvü], *at.* Uzakdaky zatlara seretmek üçin iki sany ugurdaş gözli turbajyklardan ybarat elde göterilýän enjam. *Ol dürbüsini dakynyp, uzaklara seretdi.*

**DÜRDÄNE** [dürdä:ne], *at.* **1**. Dürüň dänesi, dürüň togalajyk bölegi. **2**. Iň gowy, ajaýyp, gymmatbaha. *Halkyň iň gymmatbaha dürdäne nakyllaryny toplamak gerek.* **3**. *göç.m.* Dür ýaly, dür deý, düre meňzeş. *...Sözleri uz, dişleri dürdäne gözel* (Halk aýdymyndan). **4**. Akylly, paýhasly, ajaýyp. *Hoş güftara giriftar, dürdäne Ogulbike* (Kemine). **6**. Gyza dakylýan at.

**DÜRDÄNELIK** [dürdä:nelik], *at.* Akyllylyk, paýhaslylyk. *Dürdänelik hemme adama mahsus däl.*

**DÜREK** [dürök], *at, gepl.d.* Göhertden gaýan arwanadan bolan garyşyk tohumly düýe.

**DÜRLI** [dürlü] **I**, *syp.* **1**. Biri-birine meňzemeýän, üýtgeşik, her hili, her tüýsli. **2**. Gyza dakylýan at.

◊ **Dürli galam** dürli reňkdäki galam(lar). *Seniň dürli galamyň barmy?*

**DÜRLI** [dürlü] **II**, *at.* Reňki sary, ýetişende gülleýän gum oty.

**DÜRLI-DÜMEN** [dürlü-dümön], *syp.* Her hili, dürli görnüşli, biri-birinden üýtgeşik, her dürli. *Dürli-dümen otuň biter, Her deräň bir ile ýeter* (Magtymguly).

**DÜRLI-DÜMENRÄK** [dürlü-dümönürä:k], *syp.* Belli derejede dürli-dümen.

**DÜRLI-DÜRLI** [dürlü-dürlü], *syp.* Hil-hil, üýtgeşik-üýtgeşik, hili, mazmuny taýdan biri-birine meňzeş bolmadyk. *Ýöne adamlar dürli-dürli bolýarlar* (Ş. Borjakow).

**DÜRLI-DÜRLÜLIK** [dürlü-dürlülük], *at.* Hil-hillik, dürli görnüşlilik, her hililik.

**DÜRLI-DÜRLÜRÄK** [dürlü-dürlürä:k], *syp.* Belli derejede dürli-dürli.

**DÜRLÜGOÇAK** [dürlüğoçok], *at.* El işleriniň hemmesine, hala dürli sapaklar ulanylyp salynýan nagyş.

**DÜRLÜLEME** [dürlülömö], *iş ady.* Dürlülemek işi.

**DÜRLÜLEMEK** [dürlülömök], *işl.* Dürli sapak bilen nagşyň nagyş salmaly ýerlerini bejermek.

**DÜRLÜLEMEKLIK** [dürlülömöklük], *iş ady.* Dürlülemek işi.

**DÜRLÜLEMEZLIK** [dürlülömözlük], *iş ady.* Dürlülemek işini ýerine ýetirmezlik.

**DÜRLÜLEŞDIRMEK** [dürlülöşdürmök], *işl.* Dürlüläp çykmak, dürlüläp bejerişdirmek.

**DÜRLÜLEÝIŞ** [dürlülöýüş], *iş ady.* Dürlülemek ýagdaýy. *Nädip dürlüleýşini bir maňa görkezsene!*

**DÜRLÜLIK** [dürlülük], *at.* Dürli hililik, dürli görnüşlilik.

**DÜRLÜRÄK** [dürlürä:k], *syp.* Belli derejede dürli.

**DÜRRE** [dürrö], *syp., at.* **1**. Çig hamdan togalak edilip örülen örme gamçy. **2**. Rezin taýak.

**DÜRRELEME** [dürrölömö], *iş ady.* Dürrelemek ýagdaýy.

**DÜRRELEMEK** [dürrölömök], *işl.* Dürre gamçy bilen saýgylamak, urmak.

**DÜRRELEMEKLIK** [dürrölömöklük], *iş ady.* Dürrelemek ýagdaýy.

**DÜRRELEMEZLIK** [dürrölömözlük], *iş ady.* Dürre bilen urmazlyk, saýgylamazlyk.

**DÜRRELENMEK** [dürrölönmök], *işl.* Dürre bilen urulmak, saýgylanmak.

**DÜRRELETMEK** [dürrölötmök], *işl.* Dürrelemek işini başga birine etdirmek; dürrelemäge ýol bermek. *Her kim özüni dürreledip durmaz.*

**DÜRRELEÝIŞ** [dürrölöýüş], *iş ady.* Dürrelemek ýagdaýy.

**DÜRRELÄBERMEK** [dürrölä:vermek], *işl.* Dürreläp başlamak; dürrelemek işini dowam etmek.

**DÜRS** [dürüs], *syp.* **1**. Dogry, mamla, hak, düzüw, rast. *Han küýli çörekden garnyny doýurdy-da, çokaýyny aýagyna gowallaň sokup: - Seniňki, heleý han, dürs diýip, kepbeden çykyp gitdi* (A. Durdyýew). **2**. Kada laýyk. *Sözleri dürs ýazmak.*

◊ **Dürs ýazuw** (*dil b.*) ýazuw düzgünleri, orfografiýa. *Türkmen diliniň dürs ýazuwy.*

**DÜRSEME** [dürsömö], *iş ady.* Dürsemek ýagdaýy.

**DÜRSEMEK** [dürsömök], *işl.* Ýagdaýyňy oňatlaşdyrmak; özüňi rastlamak. *Her näme hem bolsa, ol özüni birneme dürsedi* (A. Gowşudow). Ol özüni çalt dürsedi (B. Seýtäkow).

◊ **Demiňi dürsemek** *ser.* **Dem**. *"Gaty ýadapdyryn, demimi bir dürsäýin" diýip, ol özüni aşak goýberdi.*

**DÜRSEMEKLIK** [dürsömöklük], *iş ady.* Dürsemek ýagdaýy.

**DÜRSEMEZLIK** [dürsömözlük], *iş ady.* Dürsäp ýetişmezlik, dürsäp bilmezlik. *Şol düşünje bilen daşaryk çykanda-da, özüni onçakly dürsemändi* (B. Kerbabaýew).

**DÜRSETMEK** [dürsötmök], *işl.* Dürsemäge mümkinçilik bermek, dürsemäge maý bermek.

**DÜRSEÝIŞ** [dürsöýüş], *iş ady.* Dürsemek ýagdaýy.

**DÜRSÄBERMEK** [dürsä:vermek], *işl.* Dürsäp ugramak. *Ol ýürek dermanyny içen dessine özüni dürsäberdi.*

**DÜRSLÜK** [dürüslük], *at.* Dogrulyk, mamlalyk, haklyk, düzüwlik, rastlyk.

**DÜRSRÄK** [dürsürä:k], *syp.* Öňküsine garanda dürs, azda-kände dürs. *Dürsräk hereket etjek bolmak gerek.*

**DÜRTDÜRMEK** [dürtdürmök], *işl.* **1**. Dürtmäge ýa-da dürtülmegine ýol bermek, mümkinçilik döretmek. *Gury, gözüme çöp dürtdürenim galdy* (N. Pomma). **2**. *göç.m.* Başga birine özüňi oýnatmak (göçme manysynda). *Öňýetene özüňi oýnadyp ýörseň, sagmyka beri diýerler.*

**DÜRTEKLEME** [dürtöklömö], *iş ady, ser.* **Dürtgüleme**.

**DÜRTEKLEMEK** [dürtöklömök], *işl., ser.* **Dürtgülemek**. *Olar biri-birini dürtekläp, şoňa baka okduryldylar* (B. Kerbabaýew).

**DÜRTEKLEMEKLIK** [dürtöklömöklük], *iş ady, ser.* **Dürtgülemeklik**.

**DÜRTEKLEMEZLIK** [dürtöklömözlük], *iş ady., ser.* **Dürtgülemezlik**.

**DÜRTEKLENMEK** [dürtöklönmök], *işl., ser.* **Dürtgülenmek**.

**DÜRTEKLEŞMEK** [dürtöklöşmök], *işl., ser.* **Dürtgüleşmek**. *Oglanlar dürtekleşip otyrdylar.*

**DÜRTEKLEÝIŞ** [dürtöklöýüş], *iş ady, ser.* **Dürtgüleýiş**.

**DÜRTERIŞ** [dürtörüş], *iş ady.* Dürtermek ýagdaýy.

**DÜRTERIŞMEK** [dürtörüşmök], *işl.* Köp mukdarda dürtermek, köpçülikleýin dürtermek. *Bugdaýlar ýylak ýaly dürterişip galypdy* (B. Kerbabaýew).

**DÜRTERME** [dürtörmö], *iş ady.* Dürtermek ýagdaýy.

**DÜRTERMEK** [dürtörmök], *işl.* **1**. Ýaňy çykyp ugramak, gögerip başlamak. *Ýerden ýekeje-de gök zat dürterip çykmady* (B. Kerbabaýew). **2**. Syh-syh bolmak, syh-syh bolup durmak. *Sakgalynyň gyllary dürterip durdy.* **3**. *göç.m.* Mese-mälim bolup durmak, mesaňa bolup durmak, görnüp durmak.

**DÜRTERMEKLIK** [dürtörmöklük], *iş ady.* Dürtermek ýagdaýy.

**DÜRTERMEZLIK** [dürtörmözlük], *iş ady.* Dürterip çykmazlyk.

**DÜRTGÜÇ**, *at.* **1**. Bişiriljek çöregiň ýüzüni dürtüp çykmak üçin ulanylýan diş-diş gural, dikeç. **2**. Üç-dört dişli, saply naharhana enjamy.

**DÜRTGÜLEME** [dürtgülömö], *iş ady.* Dürtgülemek ýagdaýy.

**DÜRTGÜLEMEK** [dürtgülömök], *işl.* **1**. Yzly-yzyna dürtüp durmak. *Ol jigisiniň böwrüne dürtgüledi.* **2**. *göç.m.* Birini bir işe ündemek, küşgürmek. **3**. *göç.m.* Işi tiz ýerine ýetirtjek bolup howlukdyrmak, "bol" diýip ýatladyp, gyssap durmak.

**DÜRTGÜLEMEKLIK** [dürtgülömöklük], *iş ady.* Dürtgülemek ýagdaýy.

**DÜRTGÜLEMEZLIK** [dürtgülömözlük], *iş ady.* Dürtgüläp durmazlyk.

**DÜRTGÜLENMEK** [dürtgülönmök], *işl.* Dürtgülemek hereketine sezewar bolmak. *Olar tä dürtgülenýänçäler gezip ýörmän, aýny wagtynda gymyldamagyň hötdesinden geldiler.*

**DÜRTGÜLEŞMEK** [dürtgülöşmök], *işl.* Biri-biriňi dürtgülemek.

**DÜRTGÜLETMEK** [dürtgülötmök], *işl.* Dürtgülenmegine ýol bermek, mümkinçilik döretmek.

**DÜRTGÜLEÝIŞ** [dürtgülöýüş], *iş ady.* Dürtgülemek ýagdaýy.

**DÜRTME** [dürtmö], *iş ady.* Dürtmek ýagdaýy.

◊ **Dürtme gursak** bir işi, ýumşy köp aýtdyryp ýerine ýetirýän, düşbi däl (adam hakynda). *Guýma gursak bolmasa, dürtme gursak neýlesin* (Nakyl).

**DÜRTMEK** [dürtmök], *işl.* **1**. Bir zadyň ýiti ujuny başga bir zada sançmak, sünçmek, sokmak. *Onuň tenine naýza dürtüp soranlarynda-da "bilemokdan" başga jogap bermedi* (B. Kerbabaýew). **2**. Çöregiň ş.m. ýüzüni dürtgüç, dikeç we ş.m. zatlar bilen deşik-deşik, dürtük-dürtük etmek. *Bişiriljek petir çöregiň ýüzüni dürtmek.* **3**. *gepl.d.* Ýere sanjyp ekmek, oturtmak (köplenç, şitili oturdylýan ekinler hakynda). *Şu ýyl pomidordan, kelemden dürten zadym ýok.* **4**. Barmak we ş.m. bilen biriniň böwrüne kakyp, duýduryş yşaratyny etmek. *Henizem onuň ýoldaşlary eýlesinden, beýlesinden dürtüp: "Annaguly, aýagyňy düz, aňkarma!" diýşip, goldap barýarlar* (A. Durdyýew). **5**. *göç.m.* Duýdurmak, habardar etmek, ýatlatmak, işi aýdyp etdirmek. *Size her bir zady dürtüp etdirmeli däl ahyry.*

**DÜRTMEKLIK** [dürtmöklük], *iş ady.* Dürtmek ýagdaýy.

**DÜRTMEZLIK** [dürtmözlük], *iş ady.* Dürtmek işini, hereketini etmezlik.

**DÜRTÜBERMEK** [dürtüvermek], *işl.* Dürtüp başlamak, dürtüp ugramak.

**DÜRTÜK**, *at.* **1**. Dürtülen ýer, dürtgüjiň yzy. *Petir çöregiň dürtükleri diýseň enaýy görünýär.* **2**. Mama dişän ýüzde galan mama keseliniň yzy, gotur yzy.

**DÜRTÜK-DÜRTÜK**, *syp.* Köp sanly dürtük. *Petir deý dürtük-dürtük.* **2**. Ýüzde galan mama keseliniň yzlary, gotur yzlary.

**DÜRTÜLMEK** [dürtülmök], *işl.* Dürtmek işi, hereketi edilmek, amala aşmak.. *Ol ýanyndaky samana dürtülen çarşagyň sapyndan ýapyşdy* (B. Kerbabaýew).

**DÜRTÜŞ**, *iş ady.* Dürtmek ýagdaýy.

**DÜRTÜŞDIRMEK** [dürtüşdürmök], *işl.* **1**. Dürtüp, sünjüp çykmak, oturdyşdyryp çykmak. *Pomidor şitillerini joýanyň gyrasyna dürtüşdirip çykdym.* **2**. Biri-biriň böwrüne dürtüp, kakyp çykmak. *Biri-biriniň böwürlerine dürtüşdirýärdiler we ýuwaşja gülüşýärdiler* (A. Gowşudow).

◊ **O ýerinden, bu ýerinden dürtüşdirip görmek** barlap görmek, nähili-neneňsidigini biljek bolmak, synamak. *Onuň o ýerinden, bu ýerinden dürtüşdirip görmeli* (B. Seýtäkow).

**DÜRTÜŞMEK** [dürtüşmök], *işl.* **1**. Dürtmäge kömek etmek. *Gyzy ejesine çörek dürtüşdi.* **2**. Bilelikde dürtmek. *Eneli-gyz çörek dürtüşip otyr.* **3**. Biri-biriňi dürtmek. *Siz sapakda dürtüşip oturmaň!*

**DÜRÜŞDE** [dürüşdö], *at.* **1**. Çapylan ýorunja, samana dogralan paçak we ş.m. garylyp, üstüne kepek, un sepilip taýýarlanýan mal iýmiti. *Ol ýerde ot-iýmler kerçelýär, dürüşde edilýär, buglanýar.* **2**. *göç.m.* Garym-gatym, bulam-bujar, garyşyk, gatyşyk. *Dürüşde bolup maslyk bilen ýaragy, Pälinden tapypdyr pälazan ýagy* (A. Kekilow).

**DÜŞBI** [düşvü], *syp.* Gepe-söze düşegen, pähimli, düşgür, duýgur, ýiti. *Şeýle yhlasly, düşbi çagalar bilen ömründe ilkinji gezek ugran awçy özündäki ýadawlygy, hemişeki gaharjaňlygy düýpgöter unudypdy* (B. Gurbanow).

**DÜŞBÜLIK** [düşvülük], *at.* Gepe-söze düşegenlik, pähimlilik, düşgürlik, duýgurlyk, ýitilik.

**DÜŞBÜRÄK** [düşvürä:k], *syp.* Azda-kände düşbi. *Ol indi öňküsine garanda düşbüräk ýaly.*

**DÜŞDÜŞ**, *at.* Öz örýän kerebinde ýaşaýan hem-de ondan sallanyp we ýokary galyp bilýän kiçijik möý. *Olaryň öňünden bir horaz çykypdyr, soňra bir tomzajyk we bir düşdüş çykypdyr* ("Türkmen halk ertekileri").

**DÜŞEGAŞY** [düşöğaşy], *at.* Ölen adam jaýlanyp gelnenden soň gölegçilere bermek üçin taýýynlanýan nahar.

**DÜŞEK** [düşök], *at.* **1**. Ýatmak üçin gerekli zatlaryň jemi (ýorgan, düşekçe we ş.m.). **2**. Ýere ýazyp, üstünde oturmak üçin gerekli zatlaryň jemi (haly, keçe we ş.m. hakynda). *Berdi aga düşegiň üstüne geçip oturdy* (A. Durdyýew). **3**. Gülli matanyň, gülli ýaglygyň, gülli keçäniň we ş.m. gül basylmazyndan, çekilmezinden öňki esasy reňki. *Ýaşlar üçin gyňajyň düşegi gyzyl ýa ýaşyl bolsa gowy.*

◊ **Düşegi ýumşamak** baran ýerinde köp oturmak, köp eglenmek. **Düşekde ýatmak** ýaraman ýatmak. **Düşegini galdyrmak** keselden saplanmak, gutulmak, aýak üstüne galmak.

**DÜŞEKÇE** [düşökçö], *at.* Üstünde gyşarmak, oturmak we ş.m. üçin matanyň içine pagta, ýelek we ş.m. salnyp tikilýän kiçiräk insiz düşek.

**DÜŞEKÇELIK** [düşökçölük], *syp.* Düşekçe etmek üçin gerekli bolan zat. *Düşekçelik mata. Düşekçelik pagta.*

**DÜŞEKLEME** [düşöklömö], *iş ady, gepl.d.* Düşeklemek ýagdaýy, işi.

**DÜŞEKLEMEK** [düşöklömök], *işl., gepl.d.* Düşek alyp, içerini her hili düşeklerden doldurmak, her hili düşek ýazyp çykmak. *Ol hem täze jaýynyň içini düşekläpdir.*

**DÜŞEKLEMEKLIK** [düşöklömöklük], *iş ady.* Düşeklemek ýagdaýy.

**DÜŞEKLEMEZLIK** [düşöklömözlük], *iş ady.* Düşek ýazyp çykmazlyk.

**DÜŞEKLENMEK** [düşöklönmök], *işl.,gepl.d.* Içeri her hili düşeklerden doldurylmak, içerik her hili düşekler ýazylyp çykylmak. *Onuň diňe iki otagy düşeklenipdi.*

**DÜŞEKLETMEK** [düşöklötmök], *işl., gepl.d.* Düşeklemek işini başga birine etdirmek; düşeklemäge mümkinçilik bermek. *Ejeleri uly jaýyny çagalaryna, aýratynam gyzlaryna düşekletdi.*

**DÜŞEKLÄBERMEK** [düşöklä:vermek], *işl.,gepl.d.* Düşekläp başlamak.

**DÜŞEKLIK** [düşöklük], *syp.* Düşek ediner ýaly, düşek bolar ýaly (mata, haly, keçe we ş.m. zatlar hakynda) zat. *Düşeklik palas.*

**DÜŞELGE** [düşölğö], *at.* **1**. Ýolagçylaryň düşläp, dynç alýan ýeri. **2**. Dynç almak üçin ekin meýdanlarynda gurlan ýörite jaý. *Bu düşelge suwçularyňky.* **3**. Beýiklikden düşmek üçin basgançak. *Onuň bir münüp-düşelgesi bardy.*

**DÜŞELMEK** [düşölmök], *işl.* Düşek, haly-palas we ş.m. zatlary ýazmak. *Öýüň içine gury ot-çöp düşelipdi.*

**DÜŞELME** [düşölmö], *iş ady.* Düşemek, ýazmak ýagdaýy.

**DÜŞEMEK** [düşömök], *işl.* **1**. Düşek ýazmak. *Kölegä haly düşäp çykdylar.* **2**. Üstüni bir zat bilen örtmek. *Düzlenen ýere daş düşediler.*

**DÜŞEMEKLIK** [düşömöklük], *iş ady.* Düşemeklik, ýazmaklyk ýagdaýy.

**DÜŞEMEZLIK** [düşömözlük], *iş ady.* Düşemek işini amal etmezlik, düşäp çykmazlyk.

**DÜŞENMEK** [düşönmök], *işl.* Özi üçin düşemek. *Ol ýaglygyny ýere düşenip otyr.*

**DÜŞEŞDIRMEK** [düşöşdürmök], *işl.* Düşek ýazyşdyrmak, düşekleri salyşdyrmak, düşek düşäp çykmak. *Halylary düşeşdirmek.*

**DÜŞEŞMEK** [düşöşmök], *işl.* **1**. Düşemäge kömek etmek. *Ol ejesine agyr halyny düşeşdi.* **2**. Birnäçe bolup düşemek. *Olar myhmanlaryň oturmaly ýerine haly-palas düşeşip ýördüler.*

**DÜŞETMEK** [düşötmök], *işl.* Düşemek işini başga birine etdirmek; başga birine düşemäge mümkinçilik bermek. *Oglanlara keçäň üstünden halyça, ýa düşekçe düşetseň, janyň üçin ýakymly bolardy.*

**DÜŞEÝIŞ** [düşöýüş], *iş ady.* Düşemek ýagdaýy.

**DÜŞEWÜNT** [düşöwünt], *at.* Düşýän girdeji, peýda, haýyr, gazanç. *Daýhanlar ýerden uly düşewünt alýar.*

**DÜŞEWÜNTLI** [düşöwüntlü], *syp.* Düşewündi bar bolan, girdejili, gazançly. *Maldarçylyk düşewüntli pudak.*

**DÜŞEWÜNTLILIK** [düşöwüntlülük], *at.* Düşewündi barlyk, girdejililik, gazançlylyk.

**DÜŞEWÜNTLIRÄK** [düşöwüntlürä:k], *syp.* Belli bir derejede düşewündi bolan.

**DÜŞEWÜNTSIZ** [düşöwünssüz], *syp.* Düşewündi bolmadyk, girdejisiz, gazançsyz.

**DÜŞEWÜNTSIZLIK** [düşöwünssüzlük], *at.* Düşewündi bolmadyk, girdejisizlik, gazançsyzlyk.

**DÜŞEWÜNTSIZRÄK** [düşöwünssüzürä:k], *syp.* Düşewündi azrak.

**DÜŞGÜNÇ** [düşğünç]**: ýürege düşgünç.** Halys irizýän, bizar edýän, bizar-peteňiňi çykarýan. *Şypahana ýaranda näme, şeýle içýakgyç adam gülüp, ýürege düşgünç lakgyldap, gulagyňy gazap otursa, nädip semrejek?* (N. Pomma).

**DÜŞGÜR** [düşğür], *syp.* **1**. Duýujylyk, aňyjylyk ukyby güýçli bolan, syzgyr. *Gyr atym ýaman düşgürdir* ("Görogly"). *Ol düşgür oglanjyk.* **2**. *göç.m.* Çalnanda gowy ýitelýän. *Düşgür päki.*

**DÜŞGÜRLIK** [düşğürlük], *at.* **1**. Duýgurlyk, aňyjylyk, syzyjylyk. **2**. *göç.m.* Çalnanda gowy ýitelmeklik (pyçak hakynda).

**DÜŞGÜRRÄK** [düşğürrä:k], *syp.* Belli bir derejede düşgür, azda-kände düşgür. *Şu atyň-a düşgürräk öýdýän.*

**DÜŞLEG** [düşlöğ], *at.* Düşläp dynç alyş. *Düşleg edilmeli boldy.*

**DÜŞLEM** [düşlöm], *at.* **1**. Iş arasynda dem-dynç alynýan arakesme, çaý wagty. *Ol günleriň birinde, günorta düşleminde gelip çaý içmäge oturdy* (B. Kerbabaýew). **2**. *ser.* **Düşelge**.

**DÜŞLEME** [düşlömö], *iş ady.* Düşlemek ýagdaýy.

**DÜŞLEMEK** [düşlömök], *işl.* **1**. Ýoluňy dowam etdirmän, dem-dynç almak üçin düşmek, gonmak. *Mustapa beg-de bu galada bir düşläp geçen ekeni* ("Görogly"). **2**. Iş arasynda bir ýerde oturyp arakesme etmek, dem-dynç almak, çaý-nahar edinmek.

**DÜŞLEMEKLIK** [düşlömöklük], *iş ady.*Ýolda barýarkaň dem-dynjyňy almak üçin gonmaklyk, düşlemeklik.

**DÜŞLEMEZLIK** [düşlömözlük], *iş ady.* Düşlege çykmazlyk.

**DÜŞLEÝIŞ** [düşlöýüş], *iş ady.* Düşlemek ýagdaýy.

**DÜŞLÄBERMEK** [düşlä:vermek], *işl.* Düşlemäge girişmek, düşläp başlamak.

**DÜŞME** [düşmö] **I**, **II**, *iş ady.* Düşmek ýagdaýy.

**DÜŞMEK** [düşmök] **I**, *işl.* **1**. Ýokardan aşaklygyna gaçmak, inmek. *Ýagşy bolsaň düş, ýaman bolsaň git* (düşdüş sallanyp düşüp gelýärkä aýdylýan söz). **2**.Münen zadyň üstünden aşak inmek. *Aýgül maşyndan düşende, bulut çalasyn syrylyp, ýagyş tapba diňipdi-de, gün eýýäm ýalpyldap çykypdy* (B. Kerbabaýew). *Myrat aga taýagyny ýere diräp, eşekden düşdi* (H. Derýaýew). **3**. Ýaramak, ýaramly bolmak. *Goşun gullugy saňa düşüpdir* (A. Durdyýew). **4**. Bir zadyň içine başga bir zat gaçmak. *Ýaga garynja düşüpdir.* **5**.Ýagmak (ygal hakynda). *Oktýabryň ortalarynda dyz boýy gar düşdi* (B. Seýtäkow). **6**. Içine girmek. *Ekine düşen sygyr zerarly sögünç eşiden ýeri, käte gulagyndan çekilen çagy-da gyt bolmandy* (B. Kerbabaýew). **7**. Gaçmak, gopmak, aýrylmak (diş, saç we ş.m. hakynda). *Goja dişleri düşen agzyny pakgyldadyp, lah-lah güldi* (B. Kerbabaýew). **8**. Ýuwunmak, salkynlamak üçin suwa girmek. *Suwa düşmek.* **9**. Eşidilmek, mälim bolmak, ýaýramak. *Ine, şol ogry aşaky obalardanmyş diýen habar düşdi* (B. Seýtäkow). **10**. Peýda bolmak, gelmek, barmak,aralaşmak. *Bir gün ol Mänäň üstünden düşüpdir* (B. Kerbabaýew). *Şahyr ahwalatyny, nähililik bilen Hajygowşana gelip düşenini gürrüň berýärdi* (G. Kulyýew). **11**. Uçramak, sezewar bolmak, duçar bolmak. *Agsagyň elinden alsaň agajyn, Ýaman derde düşer, tapmaz alajyn* (Magtymguly). **12**. Peýdaly ýa-da hatarly bolmak (yrym bilen bagly). *Sogan ekmek olara düşmese-de, bize düşýär.* **13**. Peselmek, azalmak, aşaklamak. *Derýanyň suwy ýyl-ýyldan aşak düşýär.* **14**. Biriniň öňünden ýa-da yzyndan ýöremek. *Yzyna düşmek. Öňüne düşmek.* **15**. Düşlemek üçin ýük ýazdyrmak. *Oglanlar gumuň içi bilen birneme ýöräp, bir ýerde düşdüler* (B. Annageldiýew). **16**. Ele salynmak, eýe bolmak, edinmek (maddy taýdan). *Ol toýdan düşen zady toýda sowardy* ("Edebiýat we sungat"). **17**. Gabat gelmek, laýyk gelmek. *Jaý toýy bilen maşyn toýy ikisi bir güne düşdi.*

**DÜŞMEK**[düşmök] **II**, *işl.* Akyl ýetirmek, göz ýetirmek, bilmek, aňmak. *Üşügiň bolsa, üme düş!* (Atalar sözi).

**DÜŞMEKLIK** [düşmöklük] **I**, **II**, *iş ady.* Düşmek ýagdaýy.

**DÜŞMEZLIK** [düşmözlük] **I**, **II**, *iş ady.* Düşmek hereketini amal etmezlik, düşüp durmazlyk.

**DÜŞNÜK: düşnügi ýok** hiç zat ýok, ady-sory ýok. *Haşal ot diýeniň düşnügi-de ýok* (K. Gurbannepesow).

**DÜŞNÜKLI** [düşnüklü], *syp.* **1**.Aýdyň, aňsatlyk bilen düşünilýän. *Çalynýan heňleriň bary diňleýjilere*

*düşnüklidi, ýakyndy* (G. Kulyýew). **2**. Gepe-söze, ýagşa-ýamana düşünýän, düşbi, düşgür. *Abdyryzak has düşnükli adamdy* (B. Kerbabaýew).

**DÜŞNÜKLILIK** [düşnüklülük], *at.* **1**. Düşünip bolarlyk, aýdyňlyk. **2**.Düşbülik, düşgürlik.

**DÜŞNÜKLIRÄK** [düşnüklürä:k], *syp.* Belli derejede düşnükli, azda-kände düşnükli.

**DÜŞNÜKSIZ** [düşnüksüz], *syp.* **1**. Düşünip bolmaýan, düşünmesi çetin, kyn bolan, aýdyň bolmadyk. *Onuň haty ýaly düşnüksiz ýazylan ýjyr-byjyr ýazgyny Arslan birbada okap bilmedi* (N. Jumaýew). **2**. Gepe-söze, ýagşa-ýamana düşünmeýän, düşbi däl. *Sen ýaly düşnüksiz adama duş gelmändim.*

**DÜŞNÜKSIZLIK** [düşnüksüzlük], *at.* **1**. Düşnükli dällik. **2**. Düşbi dällik, düşgürligi ýokluk.

**DÜŞNÜKSIZRÄK** [düşnüksüzrä:k], *syp.* Azda-kände düşnüksiz.

**DÜŞÜBERMEK** [düşüvermek], *işl.* Düşüp başlamak.

**DÜŞÜK I**, *syp.* **1**. Pes, gowşak, güýçsüz, basyk. *Hata göz gezdirende, kagyzly elleri sandyrady, okanda sesi düşük çykdy* (B. Kerbabaýew). **2**. Hor-horyda, ebti agan. *Ol ruhsuzdy, ebti düşükdi* (B. Kerbabaýew).

**DÜŞÜK II**, *at.* Ugrukman, enesiniň göwresinden wagtyndan öň aýrylan ýetik bolmadyk çaga.

**DÜŞÜKLIK** [düşüklük], *at.* **1**. Peslik, basyklyk, gowşaklyk. **2**. Hor-horydalyk, ebti agan halda bolmaklyk.

**DÜŞÜM I**, *at.* Gelşik, ýaraşyk (geýim-gejim we ş.m. hakynda). *Bu matanyň ýassyk daşylyga düşümi ýok.*

**DÜŞÜM II**, *at*, *dil b.* Atlaryň sözlem içinde belli bir grammatik mana eýe bolup, degişli goşulmalar bilen üýtgäp gelýän şekili. *Türkmen dilinde alty düşüm bar.*

**DÜŞÜMLI** [düşümlü], *syp.* Oňat gelişýän, ýaraşykly, gelşikli. – *Bä, nähili gowy mata-aýt! Reňki hem, tikilişi hem örän düşümli* (B. Kerbabaýew).

◊ **Düşümli bolsun! Düşümlisi bolsun!** täze geýim geýlende, gelin edinilende we ş.m. ýagdaýda "ýaraşykly bolsun!" diýen manyda aýdylýan alkyş sözi. *Gelin alýas diýseňiz-le, Düşümlisi bolawersin!* (K. Gurbannepesow).

**DÜŞÜMLILIK** [düşümlülük], *at.* Düşümli bolmaklyk, ýaraşyklylyk, gelşiklilik. *Men şu matanyň düşümliligine geň galdym.*

**DÜŞÜMLIRÄK** [düşümlürä:k], *syp.* Azda-kände düşümli. *Bu köýnek has düşümliräk eken.*

**DÜŞÜNDIRIŞ** [düşünnürüş], **1**. *iş ady.* Düşündirmek ýagdaýy. **2**. *at.* Tekste düşündiriş; kitabyň ylmy-salgy beriş häsiýetli bölümi (oňa ylmy iş hakyndaky bellikler, onuň görkezijileri we beýleki goşmaça maglumatlar girýär). **3**. Köpçülikleýin habar beriş ulgamynda jemgyýetçilik-syýasy ähmiýetli wakanyň, resminamanyň (mysal üçin, Konstitusiýanyň, kanunyň, kadalaşdyryjy namanyň) manysy düşündirilýän, seljerilýän, derňelýän ýazgy.

◊ **Düşündiriş haty** bir wakany, meseläni we ş.m. beýan edip, ýazylyp berilýän hat.

**DÜŞÜNDIRMEK** [düşünnürmök] **I**, *işl.* Bir zady anyklamak we aýdyňlaşdyrmak maksady bilen düşündirişli gürrüň etmek, düşündiriş bermek, düşüner ýaly etmek, aňyna ýetirmek, düşündiriş işini geçirmek. *Mugallym okuwçylara täze temany düşündirdi*.

**DÜŞÜNDIRMEK** [düşünnürmök] **II**, *işl.* Suwa salyp ýa-da suw akydyp ýuwundyrmak. *Çagany suwa düşündirdiler.*

**DÜŞÜNIBERMEK** [düşünüvermek] **I**, *işl.* Düşünip ugramak, aýdylan zady kabul etmek (aň hakynda). *Meniň sözlerime nähili düşünseň düşüniber.*

**DÜŞÜNIBERMEK** [düşünüvermek] **II**, *işl. Suwa* düşüp ugramak (suwa düşmek hakynda). *Suw gyzdy, indi düşüniberiň.*

**DÜŞÜNIŞ** [düşünüş], *iş ady.* Düşünmek ýagdaýy. *Aýdylan söze seniň ters düşünişiň bolanok.*

**DÜŞÜNIŞMEK** [düşünüşmök], *işl.* Birek-birege düşünmek. *Hemişe özara düşünişmek gerek.* **2**. Dura-bara düşünmek. *Bu zatlara men indi düşünişdim.*

**DÜŞÜNJE** [düşünjö], *at.* **1**. Bir predmet, jemgyýetçilik, syýasy we ş.m. ideýa hakynda dörän umumy pikir. *Ylym hakyndaky düşünje.* **2**. Bir zat hakynda bilýän, göz öňüne getirýän zatlaryň jemi. *Bir zat hakynda düşünjäň bolmak.* **3**. Bir zat baradaky garaýyş, akyl ýetiriş, aň. *Şu döwrüň içinde biziň düşünjämiz ösdi* (B. Gulow). **4**. Öz edýän zadyňa baha berip bilmek ukyby, paýhas, akyllylyk, pähim. *Adamlaryň düşünje bilen hereket edişlerini görüp, akylym haýran boldy* (B. Seýtäkow).

**DÜŞÜNJELI** [düşünjölü], *syp.* Her bir zada akyl ýetirip bilýän, gözýetimi giň, paýhasly, pähimli, bilimli.

**DÜŞÜNJELILIK** [düşünjölülük], *at.* Düşünjeli bolmaklyk, her bir zada akyl ýetirijilik, paýhaslylyk, pähimlilik, gözýetimi giňlik, bilimlilik. *Oba ilatynyň düşünjeliligi artdy.*

**DÜŞÜNJELIRÄK** [düşünjölürä:k], *syp.* Belli derejede düşünjeli, azda-kände düşünjeli.

**DÜŞÜNJESIZ** [düşünjösüz], *syp.* Hiç bir zada akyl ýetirip bilmeýän, düşünjesi ýok, düşünjeli däl.

**DÜŞÜNJESIZLIK** [düşünjösüzlük], *at.* Düşünjesiz bolmaklyk, , düşünjeli dällik.

**DÜŞÜNJESIZRÄK** [düşünjösüzürä:k], *syp.* Belli derejede düşünjesiz.

**DÜŞÜNME** [düşünmö] **I**, **II**, *iş ady.* Düşünmek ýagdaýy.

**DÜŞÜNMEK** [düşünmök] **I**, *işl.* **1**. Aňladýan manysyny bilmek, manysyna düşmek. *Rusça düşünmek.* **2**. Özüňçe göz ýetirmek. *Ol halkyň hajatyna oňat düşüneni üçin, ähli zähmet adamsynyň hal-ýagdaýlaryny derrew oňatlaşdyrmagy öz öňünde wezipe edip goýýar*

(B. Kerbabaýew). **3**. Hasap etmek, hasaplamak. *Alym: “Maňa berlen sylag ähli alymlara berlen sylag diýip düşünýärin” diýip sözüni jemledi.* **4**. Endik edinmek, adat edinmek, ürç edinmek. *Ol soňky döwürde kino gitmeklige düşünipdir.*

**DÜŞÜNMEK** [düşünmök] **II**, *işl.* Özüň düşmek, suwa düşmek üçin özüň suwa girmek ýa-da üstüňden suw akytmak.. *Biz suwa düşünip heziller etdik*.

**DÜŞÜNMEZLIK** [düşünmözlük] **I**, *iş ady.* Aňladýan manysyny bilmezlik, manysyna düşmezlik. *Ol türkmençeläp aýdanlaryma düşünmedi*. **2**. Hasap etmezlik, hasaplamazlyk. **3**. Endik edinmezlik, adat edinmezlik.

**DÜŞÜNMEZLIK** [düşünmözlük] **II**, *işl.* Suwa düşmek üçin suwa girmezlik ýa-da üstüňden suw akytmazlyk.

**DÜŞÜRILMEK** [düşürülmök] **I**, *işl.* Düşürmek işi ýerine ýetirilmek. *Maşyna ýüklenen garpyzlar derrew düşürildi. Atlar, pyýada goşunlar magundan düşürildi* (B. Kerbabaýew).

**DÜŞÜRILMEK** [düşürülmök] **II**, *işl.* Suwda ýuwundyrylmak. *Çaga suwa düşürildi.*

**DÜŞÜRIŞ** [düşürüş], *iş ady.* Düşürmek ýagdaýy. *Gelniň gundagdaky çagajygyny emaý bilen mylaýym suwa düşürişine gözüm gitdi.*

**DÜŞÜRIŞDIRMEK** [düşürüşdürmök] **I**, *işl.* Bir zadyň üstünden alyşdyryp ýerde goýuşdyrmak; ýüküni ýazdyryşdyrmak. *Ol maşyna ýüklenen azygyny düşürişdirmäge durdy*.

**DÜŞÜRIŞDIRMEK** [düşürüşdürmök] **II**, *işl.* Ählisini suwa ýuwundyryp çykmak.

**DÜŞÜRIŞMEK** [düşürüşmök] **I**, *işl.* Düşürmäge kömekleşmek. *Maşyndan gawun-garpyz düşürişdim.*

**DÜŞÜRIŞMEK** [düşürüşmök] **II**, *işl.* Düşürmäge kömek etmek; bilelikde düşürmek. *Çagalary suwa düşürişmek.*

**DÜŞÜRME** [düşürmö] **I**, **II**. *iş ady.* Düşürmek ýagdaýy.

**DÜŞÜRMEK** [düşürmök] **I**, *işl., ser.* **Düşündirmek I**. *Bulara gep düşürenden, pyýada gidip-gelen aňsat* (B. Kerbabaýew).

**DÜŞÜRMEK** [düşürmök] **II**, *işl.* **1**. Bir zadyň üstünden alyp ýerde goýmak. *Soňra derrew düýeleri çökerip, ýükleri düşürdi* (H. Derýaýew). *Onsoň ýorganyny düşürdi-de, onuň üstüne özüni taşlady* (B. Gulow). **2**. *sagl. g.* Ýetik däl kemli çagany enesiniň göwresinden aýyrmak, abort etmek. **3**. Düşmäge kömek etmek. *Hojamuhammet arslan Aşyrmädi atdan göterip diýen ýaly düşürdi* (B. Seýtäkow).

**DÜŞÜRMEK** [düşürmök] **III**, *işl.* Suwa ýuwundyrmak, suwa düşündirmek. *Çagany suwa düşürmek.*

**DÜŞÜRMEKLIK** [düşürmöklük], *iş ady.* Düşürmek ýagdaýy.

**DÜŞÜRMEZLIK** [düşürmözlük], *iş ady.* Düşürmek işini ýerine ýetirmezlik, düşürip durmazlyk.

**DÜŞÜŞ**, **1**. *iş ady.* Düşmek ýagdaýy. **2**. *syp.* Biri-biriň ýagdaýyna, hüý-häsiýetine, edýän hereketine belet, biri-birine düşünýän. *Oglan welin düşüşdir* ("Edebiýat we sungat").

**DÜŞÜŞMEK** [düşüşmök] **I**, *işl.***1**.Kem-kemden ýokardan aşak inip başlamak. *Goýunlar dagdan düşüşip başlady.***2**.Derejesi peselişmek. **2**. Gaharyň ýatyşmak.

**DÜŞÜŞMEK** [düşüşmök] **II**, *işl.* Kem-kemden aňyp, düşünip başlamak.

**DÜWDEK** [düwdök], *at.* Düýrülip, bükülip daňlan düwünçek, daňy.

◊ **Düwdek ýaly bolup ýatmak (oturmak)** düýrlenip, iki bükülip ýatmak (oturmak). *Ol indi hiç ýere çykman, düwdek ýaly bolup ýatyr* (B. Pürliýew).

**DÜWDENEKLEME** [düwdönöklömö], *iş ady.* Düwdeneklemek ýagdaýy.

**DÜWDENEKLEMEK** [düwdönöklömök], *işl.* Çaltlyk bilen ylgamak, düňk ýasamak (köplenç, çagalaryň ylgaýşy hakynda). *Boldumlyja çagajyk maşyndan düşüp-düşmän, "Kaka, Kaka!" diýip, oňa bakan düwdenekleýärdi* (B. Kerbabaýew).

**DÜWDENEKLEMEKLIK** [düwdönöklömöklük], *iş ady.* Düwdeneklemek ýagdaýy.

**DÜWDENEKLEMEZLIK** [düwdönöklömözlük], *iş ady.* Düwdeneklemek hereketini etmezlik.

**DÜWDENEKLEŞMEK** [düwdönöklöşmök], *işl.* Bilelikde düwdeneklemek. *Çagalar düwdenekleşip, biziň ýanymyza geldiler.*

**DÜWDENEKLETMEK** [düwdönöklötmök], *işl.* Düwdeneklemäge mejbur etmek.

**DÜWDENEKLEÝIŞ** [düwdönöklöýüş], *iş ady.* Düwdeneklemek ýagdaýy.

**D Ü W D E N E K L Ä B E R M E K** [düwdönöklä:vermek], *işl.* Düwdenekläp başlamak.

**DÜWDÜRMEK** [düwdürmök], *işl.* Düwmek işini başga birine etdirmek. *Ýüpüň ujuny düwdürmek.*

**DÜW-DÜW: düw-düw topulmak (dyzamak)** biriniň üstüne gaharly topulmak, gahar bilen dyzamak.

**DÜWEGEN** [düwöğön], *syp.* **1**. Düwmegi endik edinen, endige öwren. *Garry mama puljagazlaryny düwünçegine düwegendi.* **2**. Köp düwünçeklemek, köp getirmek.

**DÜWGÜR** [düwğür], *syp.* Köp düwýän, köp düwegen. *Düwgür garpyz.*

**DÜWLEN** [düwlön], *at.* Garsak aýakly süýdemdiriji deňiz haýwany.

**DÜWME** [düwmö] **I**, **1**. *iş ady.* Düwmek ýagdaýy. **2**. *at, zergärç.* Aşak ýüzi ýarçyk, dilik, şaňňyrdar ýaly

içine daşjagaz salnan togalajyk kümüş şaý. *Agama geljek gyzyň, Düwmesi waňňyrdaşýar* (Halk döredijiliginden). *Aýnabadyň asmalygy, saç monjugy, saç ujundaky düwmeleri otursa-tursa şaňňyrdy bilen ses etdi* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç. m.* Damja. *Ullakan gözlerinden goşa düwme ýaş togalandy (B. Kerbabaýew).*

**DÜWME** [düwmö] **II**, *at,gepl.d.* Ilik.

**DÜWME-DÜWME** [düwmö-düwmö], *syp.* Damja-damja, damja şekilli (köpsanly düwme hakynda). *Onuň gözleriniň okarasyndan düwme-düwme ýaş togalandy* (B. Seýtäkow).

**DÜWMEK**[düwmök] **I**, *işl.***1**. Ýüpüň, ýüplügiň we ş.m. ujuny çigişdirip daňmak, ýüpüň, ýüplügiň iki ujuny biri-birine düwün edip baglamak, daňmak. *Onuň üzülen sapagy düweni hem şoldy welin, ýene iki sapagy üzüldi* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Bir zady matanyň, ýaglygyň we ş.m. içine salyp, dolap daňmak, düwünçek edip baglamak. *Ol küýzesini ýerde goýdy-da, barmagyndaky ýüzükleri çykaryp, ýaglygyň ujuna düwdi* (T. Taganow). **3**.Berk gysmak, ýummak (ýumruk hakynda). *Ýagmyr ýumrugyny düwüp, Saranyň daşynda köwlendi* (B. Seýtäkow).

**DÜWMEK** [düwmök] **II**, *işl.* Gülden çykyp, düwünçek getirmek, düwünçek baglamak, miwelemek (miweli agaçlar, bakja ekinler hakynda). *Gawun-garpyzlar düwüp ugrapdyr.*

**DÜWMEKLIK** [düwmöklük] **I**, **II**, *iş ady.* Düwmek ýagdaýy.

**DÜWMELEME** [düwmölömö], *iş ady.* Düwmelemek ýagdaýy.

**DÜWMELEMEK** [düwmölömök], *işl.* **1**. Düwme dakmak, düwme dakyşdyrmak. **2**. Düwme-düwme, damja-damja bolmak. *Ejesiniň gözündäki düwmeläp akýan ýaşy gördi* (B. Kerbabaýew).

**DÜWMELEMEKLIK** [düwmölömöklük], *iş ady.* Düwmelemek ýagdaýy.

**DÜWMELENMEK** [düwmölönmök], *işl.* Düwme dakylmak; düwme-düwme bolmak.

**DÜWMELEŞMEK** [düwmölöşmök], *işl.* **1**. Düwmelemäge kömek etmek. **2**. Düwme-düwme bolmak.

**DÜWMELETMEK** [düwmölötmök], *işl.* Düwmelemek işini başga birine etdirmek; düwme-düwme etmek. *Çagajygyň kirliginiň aşak iki gyrasyny garry enesine düwmeletdiler.*

**DÜWMELÄBERMEK** [düwmölä:vermek], *işl.* Düwme dakyp başlamak.

**DÜWMEZEK**[düwmözök] **I**, *syp.* Düwmek endigi bolmadyk.

**DÜWMEZEK** [düwmözök] **II**, *syp.* Seýrek getirýän, miweleýän (miweli agaçlar hem-de gawun-garpyz we ş.m. hakynda).

**DÜWMEZLIK** [düwmözlük] **I**, *iş ady.* Düwmek işini ýerine ýetirmezlik, düwüp durmazlyk.

**DÜWMEZLIK** [düwmözlük] **II**, *iş ady.* Düwünçek getirmezlik, miwelemezlik.

**DÜWNÜBERMEK** [düwnüvermek], *işl.* Düwnüp ugramak.

**DÜWNÜK**, *at,lukmanç.* Howply çiş görnüşinde emele gelýän kesel, düwünme. *Düwnük keseli.*

**DÜWNÜKLI** [düwnüklü], *syp.* Düwnük bolan, düwnük keseli bilen kesellän. *Düwnükli adam.*

**DÜWNÜŞ**, *iş ady.* Düwünmek ýagdaýy.

**DÜWÜBERMEK** [düwüvermek], *işl.* Düwüp ugramak.

**DÜWÜLMEK** [düwülmök], *işl.* **1**. Matanyň, ýaglygyň we ş.m. içine zat salnyp baglanmak. **2**. Çigiş daňylmak (ýüpüň ujy we ş.m. hakynda). **3**. Damar çekip, gaty düwün emele gelmek. *Onuň ýüzüniň düwlüp duran etleri ýazylyp gitdi* ("Edebiýat we sungat").

**DÜWÜN**, *at.* **1**. Ýüpüň we ş.m. zadyň düwlen ýeri. *Sygyrlaryň, beýleki mallaryň ýüpleri könelipdi, düwünleri kändi* (B. Seýtäkow). **2**. Damaryň çekmegi netijesinde döreýän gaty, ýumry, çiş. *Barmaklarynyň düwünleri ýumralyşan bir adam elini uzadyp, onuň bilen täzeden görüşdi* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç. m.* Bir zadyň esasy jemlenýän ýeri, özeni, çeşmesi. *Ine, oýnuň esasy mazmunynyň düwni şol ýerden çözlenip başlaýar.* **4**. *göç.m.* Ahmyr, kine. *Şondanam ýürekde düwün, göwünde hasrat galdy* ("Edebiýat we sungat").

**DÜWÜNÇEK** [düwünçök] **I**, *at.* **1**. Içine her hili zat salnyp düwlen ýaglyk ýa-da mata bölegi. *Çaý wagtynda her kim öz düwünçegini açdy* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Içine süýji, köke ýaly zatlar salnyp düwlen toýpaý ýaglyk. *Bu üç düwünçegiň üçüsem Mähri gelnejem bilen Azat jigimden* (A. Nazarow).

◊ **Düwünçegiňe düwmek** bir aýdylan zady, eşiden sözüňi we ş.m. berk bellemek, ýatdan çykarman içiňde saklamak. *Ejem sazy düwünçegine düwäýjek ýaly üşerilýär, pyşyrdaýar* ("Edebiýat we sungat").

**DÜWÜNÇEK** [düwünçök] **II**, *at.* Gök-bakja ekinleriň, miweli agaçlaryň we ş.m. ýaňy düwüp başlan hasyly, miwesi. *Ine, şujagaz ujypsyzja düwünçek geljekki içi köz ýaly äpet garpyzyň naýçasy bolmalydy* (N. Esenmyradow).

◊ **Düwünçege durmak** gülden çykyp, düwüp başlamak. *Gawun-garpyzlar düwünçege durupdyr*.

**DÜWÜNÇEKLEME** [düwünçöklömö], *iş ady.* Düwünçeklemek ýagdaýy.

**DÜWÜNÇEKLEMEK** [düwünçöklömök], *işl.* Düwünçek getirip başlamak, düwüp başlamak (miweli agaçlar, gök-bakja ekinler hakynda). *Olaryň mellek ýerlerinde ösen bir düýp garalynyň we şetdalynyň*

*şahalarynda pomidoryň düwünçekläp, gyzaryşyp oturmagy gaty geň* (A. Gowşudow).

**DÜWÜNÇEKLEMEKLIK** [düwünçöklömöklük], *iş ady.* Düwünçeklemek ýagdaýy.

**DÜWÜNÇEKLEMEZLIK** [düwünçöklömözlük], *iş ady.* Düwünçek düwmezlik.

**DÜWÜNÇEKLÄBERMEK** [düwünçöklä:vermek], *işl.* Düwünçekläp başlamak.

**DÜWÜNDIRMEK** [düwünnürmök], *işl.* **1**. Biriniň nädogry ýuwutmagyna, düwünmegine sebäp bolmak. *Çörek iýýän adamy alňasatsaň, düwündirmegiň mümkin.* **2**. *göç. m.* Ýumruk bilen batly urmak. *Şäherde oturyp, birine bu gün şarpyk ursaň, ertire ýetirmän, seniň ýeňsäňe düwündirerler* (B. Kerbabaýew).

**DÜWÜN-DÜWÜN** [düwün-nüwün], *syp.* Köpsanly düwün, birnäçe düwni bolan. *Düwün-düwün sapak.*

**DÜWÜNME** [düwünmö], **1**.*iş ady.* Düwünmek ýagdaýy. **2**.*ser.***Düwnük**. *Düwünme keseline uçramak.*

**DÜWÜNMEK** [düwünmök], *işl.* Bir zat iýeniňde-içeniňde ol nädogry ýuwudylyp, demligiňe düşmesi zerarly demiň tutulyp üsgürmek.

**DÜWÜNMEKLIK** [düwünmöklük], *iş ady.* Düwünmek ýagdaýy.

**DÜWÜNMEZLIK** [düwünmözlük], *iş ady.* Düwnüp durmazlyk.

**DÜWÜR**, *syp.*Kiçijik tokga, bölek. *Bir düwür gant.*

**DÜWÜR-DÜWÜR**, *syp., ser.* **Digir-digir**.

**DÜWÜRTIK** [düwürtük], *at.* Adamyň tenine, el-ýüzüne çykýan kiçijik çişjagaz. *Onuň endamyna düwürtik örüpdir.*

◊ **Düwürtik ýaly** kiçijik, kinniwanja. *Bir düwürtik ýaly ilik üçin goňşymyň göwnüne degip bilmen* ("Edebiýat we sungat").

**DÜWÜRTIK-DÜWÜRTIK** [düwürtük-düwürtük], *syp.* Köp sanly düwürtik, düwürtigi köp bolan. *Onuň ýüzi düwürtik-düwürtik eken.*

**DÜWÜRTIKLEME** [düwürtüklömö], *iş ady.* Düwürtiklemek ýagdaýy.

**DÜWÜRTIKLEMEK** [düwürtüklömök], *işl.* Köp sanly düwürtik çykmak, örmek. *Çagajygyň ýagyrnysy düwürtikläpdir.*

**DÜWÜRTIKLEMEKLIK** [düwürtüklömöklük], *iş ady.* Düwürtiklemek ýagdaýy.

**DÜWÜRTIKLEMEZLIK** [düwürtüklömözlük], *iş ady.* Düwürtik çykmazlyk, örmezlik.

**DÜWÜRTIKLEÝIŞ** [düwürtüklöýüş], *iş ady.* Düwürtiklemek ýagdaýy.

**DÜWÜRTIKLÄBERMEK** [düwürtüklä:vermek], *işl.* Düwürtikläp başlamak.

**DÜWÜŞ I**, *iş ady.* Düwmek ýagdaýy.

**DÜWÜŞ II**, *iş ady.* Miweleriň düwünçege durmak ýagdaýy.

**DÜWÜŞDIRMEK** [düwüşdürmök], *işl.*, **1**. Birnäçe ýüpüň, sapagyň ujuny ýa-da olary biri-birine baglaşdyryp, düwüp çykmak. *Ýüpleriň uçlaryny düwüşdirmek*. **2**. Ýaglygyň, matanyň we ş.m. arasyna bir zatlar salyp, düwüp çykmak. *Turan badyna ýuwnup, ýaglygyna nämedir bir zatlar düwüşdirmek bilen boldy* ("Edebiýat we sungat").

**DÜWÜŞMEK** [düwüşmök] **I**, *işl.* **1**. Düwmäge kömek etmek. *Ýüpüň uçlaryny düwüşmek.* **2**. Bilelikde düwmek. *Aýallar toý düwünçegini düwüşip otyrdylar. Ýüpüň uçlaryny düwüşdi.*

**DÜWÜŞMEK** [düwüşmök] **II**, *işl.* Köpçülikleýin düwünçeklemek, düwünçege durmak. *Gawun-garpyzlar hem düwşüp başlady.*

**DÜÝBEK** [düývök], *at.* Ýorunja, çaýyr ýaly ösümlikleriň mala bermek üçin depilip alynýan düýbi.

**DÜÝBEMEK** [düývömök], *işl.* Düýbüni ýolup, ýa-da kesip aýyrmak. *Gökli somsa bişirjek bolup, selmäni düýbäp otyrdy.*

**DÜÝBEMEZLIK** [düývömözlük], *iş ady.* Düýbüni aýyrmazlyk.

**DÜÝBEŞMEK** [düývöşmök], *işl.* **1**. Düýbemäge kömek etmek. **2**. Bilelikde düýbemek.

**DÜÝBETMEK** [düývötmök], *işl.* Düýbemek işini başga birine etdirmek; düýbemäge mümkinçilik bermek. *Ýorunjany maňa düýbetseň bolmaýarmy, menem düýbäp biljek ahyry.*

**DÜÝBÜNDEN** [düývünnön], *hal.* Bütinleý, asla, düýpden, üzül-kesil, düýpgöter.

**DÜÝDÜLDEME** [düýdüllömö], *iş ady, ser.* **Düýtdüldeme**.

**DÜÝDÜLDEMEK** [düýdüllömök], *işl., ser.* **Düýtdüldemek**.

**DÜÝDÜLDEMEKLIK** [düýdüllömöklük], *iş ady, ser.* **Düýtdüldemeklik**.

**DÜÝDÜLDEMEZLIK** [düýdüllömözlük], *iş ady, ser.* **Düýtdüldemezlik**.

**DÜÝDÜLDETMEK** [düýdüllötmök], *işl., ser.* **Düýtdüldetmek**.

**DÜÝDÜLDI** [düýdüllü], *at, ser.* **Düýtdüldi**.

**DÜÝDÜŞ**, *iş ady.* Düýtmek ýagdaýy.

**DÜÝE** [düýö], *at.* Süýdi, çaly içilýän, suwsuzlyga çydamly bir ýa-da iki örküçli iri öý haýwany. *Düýe maly – dünýe maly* (Atalar sözi). *Sähet daň bilen turup, öz adamlary bilen ýola düşmek üçin azyk-suwluklaryny düýelere ýükleşdirmek işi bilen meşguldy* (A. Gowşudow).

◊ **Düýe çökerip**, **çemmer işmek** edilmeli işi öz wagtynda etmän gyssagara, howul-hara, dara-dire ýerine ýetirmek. **Düýe ýaly1)** äpet, ullakan (tagaşyksyz, gelşiksiz uly zatlar hakynda). **2)** äwmezek, parhsyz, perwaýsyz (adam hakynda). **3)** gödek, tagaşyksyz (adam hakynda). **Düýä münüp**, **hataba bukmak** aýdyň zady

ýaşyrjak bolmak, gizlemek. **Gartaşan düýe** on bäş-on sekiz ýaşan inen düýe. **Garry düýe** ýaşy on dokuz-ýigrimiden geçen inen düýe.

**DÜÝEBAŞLYK** [düýövaşlyk], *at.* Dürli-dürli owadan reňkli mata böleklerinden küşt öýleriniň şekilinde tikilýän we gelnalyjy gidilende düýäniň üstüne atylýan, gyralary pürçüklenen seçekli gurama bezeg. *Düýeleriň howutlaryna bezeg halyklar gerilýärdi, düýebaşlyklar bilen bezelýärdi* (B. Kerbabaýew).

**DÜÝEBOÝUN** [düýövoýun], *at.***1**.Köýnegiň ýakasyna salynýan nagyş we onuň ady. **2**.Ýer ady.

**DÜÝEÇILIK** [düýöçülük], *at, ser.* **Düýedarçylyk**. *Tapylan süňkler gylýalçylyk hem düýeçiligiň ösdürilenligine şaýatlyk edýär* ("Mugallymlar gazeti").

**DÜÝEDABAN** [düýöda:van], *at.* Tegelekden ýasy ýaprakly haşal ot.

**DÜÝEDAR** [düýöda:r], *at.* Düýe idetmek, ösdürip ýetişdirmek bilen meşgul bolýan adam.

**DÜÝEDARÇYLYK** [düýöda:rçylyk], *at.* Maldarçylygyň düýe idedýän, ösdürip ýetişdirýän pudagy. *Soňky ýyllarda düýedarçylygy ösdürmeklige uly üns berilýär.*

**DÜÝEDARLYK** [düýöda:rlyk], *at.* Düýedaryň käri, ýagdaýy.

**DÜÝEDIŞ** [düýödi:ş], *at.* Daş-töweregi diş-diş edilip, göle meňzedilip hala salynýan nagyş.

**DÜÝEDYZLYK** [düýödy:zlyk], *at.* Gelnalyjy gidilende, düýäniň dyzlaryna bezeg üçin dakylýan bezeg.

**DÜÝEGUŞ** [düýöğuş], *at.* Açyk, tokaýsyz ýurtlarda ýaşaýan, gaty ylgamaga ukyply, uçup bilmeýän iň uly guş.

**DÜÝEHALYK** [düýöha:lyk], *at.* Gelnalyja gidilende, düýäniň howudynyň iki ýan gapdalyndan asylýan, aşagy seçekli haly.

**DÜÝEKEŞ** [düýökeş], *at.* Düýä seredýän we düýe bilen ýük daşaýan adam. *Çaşgyna gidýän düýekeşler bilen dakylyşyp, oba barypdy* ("Edebiýat we sungat").

**DÜÝN**, hal. *Şu günüň öň ýanyndaky gün, geçen gün.*

◊**Düýnüň özi** düýnki günde, dek düýn. *Düýnüň özem garaşýardym ýaşlyga, Bu gün bolsa geçip barýar şol ýaşlyk* (G. Ezizow).

**DÜÝNEME** [düýnömö], *iş ady.* Düýnemek ýagdaýy.

**DÜÝNEMEK** [düýnömök], *işl.* **1**. Dileg edip, keramatly öwlüýä ýykylmak. *Bir mana ýetip siz öwlüýäler düýnäp, Meni heläk etme, öldürme gynap, Ýa görjek bolýarmyň yşkymy synap, Ene, men dertlini ýandyrma beýle!* ("Şasenem – Garyp"). **2**. *gepl. d.* Bolmak, ýük ýazdyrmak, düşlemek.

**DÜÝNEMEKLIK** [düýnömöklük], *iş ady.* Düýnemek ýagdaýy.

**DÜÝNKI** [düýnkü], *syp.*Düýn bolup geçen, düýn bolan, öten günki.

**DÜÝN-ÖŇŇIN** [düýn-öňňüýn], *hal.* Düýn ýa-da öňküsi gün; ýaňy ýakynda, bir-iki gün ozal, düýn-öňňün. *Düýn-öňňin öýümde bolduň* ("Görogly").

**DÜÝP**, *at.* **1**. Derýanyň, deňziň, kölüň we ş.m. aşagy, aşagyndaky gaty ýer. *Derýa alabaharda, ýazda joşup, tomsuna kesilýäni üçin, häzir onuň düýbünde azajyk agyz suwy akýardy* (B. Kerbabaýew). **2**. Bir zadyň, gabyň we ş.m. iç ýüzüniň aşagy, teýi. *Käsesiniň düýbünde galan çaý.* **3**. Bir zadyň aşak tarapyndaky ýer, aşagy, asty. *Goşa çynaryň düýbünde iki sany gartaşan sazanda başlaryny batly-batly silkäp, joşup saz çalýardy* (G. Kulyýew). **4**. Öýüň töri. *Ol ikisi düýpde, dokmalarynyň üstünde ýüzlerini galdyrman çitýärdiler* (A. Durdyýew). **5**. Käbir düýpleýän ösümlikleriň kök gurluşy. *Käşiriň düýbi.* **6**. Agaçlaryň we beýleki ösümlikleriň mukdaryny görkezmek üçin *sany* sözüniň manysyny berýän söz. *Onuň on düýp erik agajy, ýigrimi düýp üzümi, iki düýp hem tut agajy bardy* (B. Seýtäkow). **7**. Gurluşyk desgalarynyň daşdan we ş.m. edilen esasy, binýady. *Jaýyň düýbüni tutmak*. **8**. Ösümligiň hasyly kökünde bolan görnüşi. *Düýp sogan.* **9**. *göç.m.* Asyl mazmun, asyl, esas, özen, many. *Häzir bolsa şol çakylygyň düýp sebäbi anyk boldy* (B. Kerbabaýew).

◊ **Düýbi düz** soňy gowy, ahyry oňat, ahyry gowy. *Aý, ýigitler, gürrüň köp, ýöne sesiňizi çykarmaň-da işläberiň, hemmesiniň düýbi düz* (A. Gowşudow). **Düýbüne ýatmak** düýpgöter ýok etmek, soňuna çykmak. **Düýbüni deşmek** hemmesini alyp tüketmek, iýip gutarmak. – *Boldy-la, Aky, düýbüni deşjekmi? Bizi ät goýduň* (N. Esenmyradow). **Düýbüni tutmak** esaslandyrmak, esasyny goýmak. *Çagalaryň saglygynyň düýbüni tutmagyň esasy usuly ene süýdi bilen iýmitlendirmekdir* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr"). *Magtymguly türkmen edebi diliniň düýbüni tutan şahyrdyr*. **Düýp almak (almazlyk)** kök urmak, gögermek. *Mekdebiň töwereginde ýaşajyk agaçlar oturdylan bolsa-da, heniz oňly düýp almanlary üçin inçemik çybyklara çalym edýärdi* (B. Kerbabaýew). **Düýp işlik** asyl we ýasama işlikleriň söz hökmünde many aňladýan bölegi. **Düýp söz** asyl we ýasama sözleriň soňuna söz üýtgediji goşulmalar goşulanda, onuň öz manysynyň üýtgemeýän bölegi. **Düýp tutmak** **1)** kök urmak; **2)** mazaly ornaşmak, oňat ýerleşmek, orun tutmak.

**DÜÝPDEN** [düýpdön], *hal, ser.***Düýbünden**.

**DÜÝPGÖTER** [düýpgötör], *hal.* Düýbünden, bütinleý.

**DÜÝPHALY** [düýpha:ly], *at.* Öýüň törüne ýazmak üçin dokalýan orta ululykdaky haly. *Aýal dogany Jeren*

*bolsa tamyň töründe, düýphalynyň üstünde oturyp, saçyny daraýardy* (A. Durdyýew).

**DÜÝPLEME** [düýplömö], *iş ady.* Düýplemek ýagdaýy.

**DÜÝPLEMEK** [düýplömök], *işl.* **1**. Düýp oturtmak, düýp goýmak. *Bedräni düýplemek*. **2**. Düýp almak, ýeriň aşagynda hasyla durmak, düýbe durmak (käşir, sogan ş.m. ösümlikler hakynda). *Şugundyr düýpläpdir. Soganlar oňat düýpledi.*

**DÜÝPLEMEKLIK** [düýplömöklük], *iş ady.* Düýplemek ýagdaýy.

**DÜÝPLEMEZLIK** [düýplömözlük], *iş ady.* **1**. Düýp goýmazlyk. **2**. Düýp emele getirmezlik, düýp almazlyk.

**DÜÝPLEŞDIRMEK** [düýplöşdürmök], *işl.* Bedre, tüňçe ýaly gaplaryň birnäçesine düýpgoýmak, ýasamak.

**DÜÝPLETMEK** [düýplötmök], *işl.* Düýp goýmak, ýasamak işini birine etdirmek. *Tüňçäniň düýbüni ýaňadan düýpletmek.*

**DÜÝPLEÝIN** [düýplöýün], *hal.* **1**. Hemişelik, mydamalyk. *Olar bu ýerden düýpleýin göçüp gitdiler.* **2**. Düýpli, esasly, gowy, oňat. *Oňa düýpleýin düşünmeseň, ony düzedip bilmersiň* (B. Kerbabaýew).

**DÜÝPLI** [düýplü], *syp.* **1**. Aşagy, asty, düýbi bar bolan. **2**.*göç.m.* Esasly, doly, ymykly.

◊ **Düýpli gyňaç** bütin töweregine öýdelip nagyş salnan, tarada dokalýan uly gyňaç,başdaňy. **Düýpli kesel** uzak wagtlap bejermegi talap edýän agyr kesel. *Meni alada edip ýörme, mende düýpli kesel ýok ahyry.*

**DÜÝPLÜRÄK** [düýplürä:k], *syp.* Azda-kände düýpli, belli derejede düýpli.

**DÜÝPSÜZ**, *syp.* **1**. Aşagy, asty, düýbi bolmadyk. **2**. Çuň. *Düýpsüz guýa daş atsaň, Çümer gider, eje jan* (Läle).

**DÜÝP-TEÝKAR** [düýp-teýka:r]: **düýp-teýkary bilen** köki-damary bilen, bütinleý, düýpgöter. *Käbir agaçlar düýp-teýkary bilen gopup, ýel agdaran öý ýaly, başaşak eňterilip gidýär* (B. Kerbabaýew).

**DÜÝPTORBA** [düýpto:rvo], *at.* Öýüň töründe asmak üçin her hili nagyş salnyp dokalýan uzyn seçekli haly torba.

**DÜÝRLEME** [düýrlömö], *iş ady.* Düýrlemek ýagdaýy.

**DÜÝRLEMEK** [düýrlömök], *işl.* **1**. Turba görnüşinde dolamak, togalamak. *Şirin ýazylgy duran uly keçäni düýrlemäge, soňra bolsa onuň bir ujuny tutup süýremäge başlady* (B. Pürliýew). **2**. Topbalamak, düýrüm-düýrüm etmek, togalamak. **3**. Bagyrt-bugurt basmak, basyp aşagyna salmak.

**DÜÝRLEMEKLIK** [düýrlömöklük], *iş ady.* Düýrlemek ýagdaýy.

**DÜÝRLEMEZLIK** [düýrlömözlük], *iş ady.* Düýrülen görnüşe getirmezlik, düýrlemek işini ýerine ýetirmezlik.

**DÜÝRLENMEK** [düýrlönmök], *işl.* Togar görnüşe getirilmek; togarlanmak.

**DÜÝRLEŞDIRMEK** [düýrlöşdürmök], *işl.* Toplaşdyryp, düýrläp ýygnaşdyrmak, dolaşdyrmak. *Onsoň men derrew düşeklerimi düýrleşdirdim* (R. Gelenow).

**DÜÝRLEŞMEK** [düýrlöşmök], *işl.* Düýrlemäge kömek etmek; birden artyk bolup bile düýrlemek. *Keçe düýrleşmek.*

**DÜÝRLETMEK** [düýrlötmök], *işl.* Düýrlemegi başga birine etdirmek; düýrlemäge mümkinçilik bermek.

**DÜÝRLÄBERMEK** [düýrlä:vermek], *işl.* Düýrlemäge girişmek, düýrläp ugramak.

**DÜÝRME** [düýrmö], *iş ady.* Düýrmek ýagdaýy.

◊**Düýrme gylyç** irki döwürde türkmen ussalarynyň ýasan egri gylyjy. *Görogly düýrme gylyjyny atasynyň öňünde goýdy* ("Görogly").

**DÜÝRMEK** [düýrmök] **I**, *işl., ser.* **Düýrlemek**.

**DÜÝRMEK** [düýrmök] **II**, *at.* Tutuşlygyna bütin göwre. *Güjük küşgürilen ugruna düýrmegi bilen okdurylarly görünýärdi* (B. Kerbabaýew).

**DÜÝRMEKLIK** [düýrmöklük], *iş ady, ser.***Düýrlemeklik**.

**DÜÝRÜBERMEK** [düýrüvermek], *işl., ser.* **Düýrläbermek**.

**DÜÝRÜGIBERMEK** [düýrüğüvermek], *işl.* Düýrügip başlamak.

**DÜÝRÜGIŞ** [düýrüğüş], *iş ady.* Düýrükmek ýagdaýy.

**DÜÝRÜKDIRMEK**, *işl.* Ýygryldyrmak, ätiýaç etdirmek, üýşendirmek.

**DÜÝRÜKME** [düýrükmö], *iş ady.* Düýrükmek ýagdaýy.

**DÜÝRÜKMEK** [düýrükmök], *işl.* Gysylmak, ýygrylmak; üýşenmek, ätiýaç etmek. *Goýunlar bir zatdan tebil tapan ýaly düýrükdiler.*

**DÜÝRÜKMEKLIK** [düýrükmöklük], *işl.* Düýrükmek ýagdaýy.

**DÜÝRÜKMEZLIK** [düýrükmözlük], *iş ady.* Düýrügip durmazlyk.

**DÜÝRÜLMEK** [düýrülmök], *işl.* **1.** Turba görnüşinde togalanmak, togar görnüşe getirilmek. *Ýazylan düşekler toý sowlandan soň syrylyp-süpürilip, düýrülip ýygnaldy.* **2.** Gysylmak, ýygrylmak. *Gyz bir gysym bolup düýrüldi-de, onuň gujagyna dykyldy* (B. Seýtäkow).

**DÜÝRÜM**, *at, ser.* **Düýrmek II**.

**DÜÝRÜM-DÜÝRÜM**, *syp.* Köp mukdarda düýrülen, topbak-topbak, üýşmek. *Onuň öňündäki*

*gyrtyçlar düýrüm-düýrüm bolup yzda galýar* (N. Pomma).

**DÜÝRÜŞMEK** [düýrüşmök], *işl.* Düýrmäge kömek etmek. *Keçe düýrüşmek.*

**DÜÝŞ**, *at.* Adamyň ukuda görýän ahwalaty. *Adam aýrylsa huşundan, Gorkar ýatanda düýşünden* (Magtymguly).

◊ **Düýş görmek** ukudakaň wakalary huşdaky ýaly görmek. **Düýş ýaly bolmak** çala hakydaňa gelmek, çala ýadyňa düşmek (bir wagtky bolan zatlar hakynda).

**DÜÝŞÜRGEME** [düýşürğömö], *iş ady.* Düýşürgemek ýagdaýy.

**DÜÝŞÜRGEMEK** [düýşürğömök], *işl.* Ukuda düýş görmek. *Ýatan ýerinden ogly, gelni, agtyjaklary barada pikirlenip, birdenem ymyzganyp uka gidip, gorkuly düýşürgäpdir* (N. Pomma).

**DÜÝŞÜRGEMEKLIK** [düýşürğömöklük], *iş ady.* Düýşürgemek ýagdaýy.

**DÜÝŞÜRGEMEZLIK** [düýşürğömözlük], *iş ady.* Düýş görmezlik.

**DÜÝŞÜRGEÝIŞ** [düýşürğöýüş], *iş ady.* Düýşürgemek ýagdaýy.

**DÜÝT I**, *at.* Tüssäniň galdyrýan galyndysy, garasy, gurum. *Ýöne öňki tüsseleriň düýdi ýüz başly köneje öýüň uklaryny, üzüklerini hüýt gara edipdi* (B. Kerbabaýew).

**DÜÝT II**, *at, s. ş. aňl. söz.* Maşynyň, motoryň we ş.m. ulaglaryň duýduryjy sesi.

**DÜÝT-DÜÝT** , *at, s. ş. aňl. söz.* Maşyndan, motordan yzly-yzyna çykýan duýduryjy sesi.

**DÜÝTLEME** [düýtlömö], *iş ady.* Düýtlemek ýagdaýy.

**DÜÝTLEMEK** [düýtlömök], *işl.* **1**. Enjamlaryň näsaz işlemegi, ýanmagy zerarly tüsselemek, burugsamak. *Çyra düýtläp ýanýardy*. **2**. Tüssäniň burugsysy degip garalmak, gurum baglamak.

**DÜÝTLEMEKLIK** [düýtlömöklük], *iş ady.* Düýtlemek ýagdaýy.

**DÜÝTLEMEZLIK** [düýtlömözlük], *iş ady.* Düýtläp ýanmazlyk.

**DÜÝTLETMEK** [düýtlötmök], *işl.* Garaltmak, gurumlatmak.

**DÜÝTME** [düýtmö], *iş ady.* Düýtmek ýagdaýy.

**DÜÝTMEK** [düýtmök], *işl. gepl.d.* Haýsydyr bir zadyň çalt sandan çykmagy, ýyrtylmagy, döwülmegi. *Ýele ýol düýtmez* (Nakyl). *Saňa-da köwüş düýdenok.*

**DÜÝTMEKLIK** [düýtmöklük], *iş ady.* Düýtmek ýagdaýy.

**DÜÝTMEZLIK** [düýtmözlük], *iş ady.* Düýdüp durmazlyk, çydamazlyk, paramazlyk. *Hawa, "Ele ýol düýtmez" diýleni ýaly, bu ýüwrük atlaryň toýnagyna hem uzak ýol çydamandyr* (N. Pomma).

**DÜZ I**, **1**. *at.* Giden tekiz meýdan, düzlük ýer. *Baýra çykdym, düz gördüm* (Sanawaç). *Bular goşun däl-de, heniz baş öwredilmedik, düzdäki tez haýwanlar!* (B. Kerbabaýew). **2**.*syp.* Üsti büdür-büdür bolmadyk, tekiz; ýylmanak. *Ekin ekjek ýeriň düz bolmasa, suw tutmasy kyn bolar.*

**DÜZ II**, *syp.* **1**.Hak, rast, dogry. *Ýalan sözleseň, tutularsyň, düz sözleseň, gutularsyň* (Atalar sözi). **2**. Laýyk, dogry, bap. *Hökümet näme diýer? Kanuna düz gelermi?* (A. Alamyşow). **3**.Tertipli, edepli, düzüw, dogry. *Onuň özi düz gezsin!* (N. Saryhanow). **4**. Göni, gyşyk däl, dogry. *Çagarygy gyşyk hem bolsa, tüssesi düz çykýandyr* (Rowaýatdan).

**DÜZDEÇI** [düzzöçü], *syp.* Çölde ýaşaýan, ýabany (haýwanlar hakynda).

◊ **Öýdeçimi**, **düzdeçimi?** matalyň jogabyny tapmak üçin berilýän çäklendiriji sorag. *Ol ondan: "Ýitiren zadyň öýdeçimi, düzdeçimi?" diýip sorady* ("Edebiýat we sungat").

**DÜZDÜRMEK** [düzzürmök], *işl.* Düzmek işini başga birine etdirmek. *Şeýle-de bolsa, şol çebişlerden biriniň iki buduny aldyr-da, çişe düzdür* (B. Kerbabaýew).

**DÜZEDILMEK** [düzödülmök], *işl.* Düzetmek işi amal edilmek. *Kemçilikler tiz düzedilmelidir* ("Mugallymlar gazeti").

**DÜZEDIŞ** [düzödüş], **1**.*iş ady.* Düzetmek ýagdaýy. **2**.Goýberilen kemçilikler, ýalňyşlar düzedilende edilýän bellik. *Ol etjek işini şol ýerdäki oturanlar bilen maslahatlaşdy, käbir ýerine düzediş girizdi* (B. Kerbabaýew). **3**. Bir zady düzetmek, üýtgetmek üçin girizilýän belgi. *Okuwçynyň ýazan düzmesinde ýekeje-de düzediş ýok.*

**DÜZEDIŞDIRMEK** [düzödüşdürmök], *işl.* **1**. Tertibe salyşdyrmak, tertipleşdirmek. *Ol saçlaryny düzedişdirdi.* **2**. Düzediş girizmek, düzedip çykmak. *Mugallym onuň ýalňyşlaryny düzedişdirmäge başlady.* **3**. Ýola goýuşdyrmak, kadalaşdyrmak, ugrukdyryşdyrmak. *Maňa bolsa üç gün rugsat berip, "Işiň bolsa, düzedişdir-de gel" diýdiler* (A. Durdyýew).

**DÜZEDIŞMEK** [düzödüşmök], *işl.* **1**. Düzetmäge kömek etmek. *Ol jigisiniň goýberen ýalňyşlaryny düzedişdi.* **2**. Bilelikde düzetmek. *Ikisi ýalňyşlary düzedişip otyrdy.*

**DÜZELMEK** [düzölmök], *işl.* **1**. Abat bolmak, abatlanmak; oňatlaşmak, gowulaşmak, abadanlaşmak. *Ölmänkäk zamananyň düzelenini bir görsekdik* (B.Seýtäkow). **2**. *göç.m.* Dogry ýola düşmek, düzgüne, kada-kanuna eýermek. *Düzelmäge söz berdi* (N. Esenmyradow). **3**. Gönelmek, dogralmak, gös-göni bolmak. *Ussa elindäki egri çüýi gös-göni etdi,düzeltdi.* **4**. Ýola goýulmak, kadalaşdyrylmak, ugrukdyrylmak. *Işler düzeldi.*

**DÜZELTMEK** [düzöltmök], *işl., ser.***Düzetmek**.

**DÜZETMEK** [düzötmök], *işl.* **1**. Abat etmek, abatlaşdyrmak, oňatlaşdyrmak, abadanlamak. *Ýollary düzetdik*. **2**.Ýola goýmak, kadalaşdyrmak, ugrukdyrmak. *Hojamuhammet Arslanyň jany sag bolsa, ol hemmesini düzeder* (B. Seýtäkow). **3**. Düzediş girizmek. – *Ýene bäş ýyldan dilçi bolarsyň – diýip, Kyýas düzetdi* (N. Jumaýew). **4**. Dogry etmek, göni etmek, dograltmak, göneltmek. **5**. Kemini-kössüni ýok etmek, bejermek. *Muny şark-şurk edip düzederis*. **6**. *göç.m.* Dogry ýola salmak, durmuşdaky kemçiliklerinden halas etmek.

**DÜZGÜN** [düzğün], *at.* **1**. Tertip. *Häziriň özünde ussahanany düzgüne sal* (B. Gulow). **2**. Däp-dessur, adat. *Hemme obalarymyz indi şäher düzgünine endik bolup gidipdir* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Belli bir maksat üçin zerur bolan geçirilmeli çäreleriň, kadalaryň toplumy. *Şerişdeleri tygşytlamagyň düzgüni*. **4**. Jemgyýetçilik gurluş, döwleti dolandyrmagyň görnüşi, aýratynlygy. *Patyşalyk düzgün. Demokratik düzgün*. **6**. Durmuş ýagdaýy, ýaşaýyş derejesi. *Şolaryň hem düzgüni meňki bolsun diýer ýaly däl*. **7**. *dil b.* Kada. *Goşma sözleriň ýazuw düzgüni.*

◊ **Düzgün etmek 1)** suw tutuljak ýerleriň ýaplaryny suw barar ýaly edip goýmak. *Suw goýberiljek joýalary düzgün edip goýdum*. **2)** bir zady endik etmek, kada öwürmek. *Arkaýyn oturan ýeriňizden ýurduň çöregini iýip ýatmagy düzgün edipsiňiz* (A. Gowşudow).

**DÜZGÜNLEŞDIRMEK** [düzğünlöşdürmök], *işl.* Belli bir tertibe, düzgüne salmak; ýola goýmak.

**DÜZGÜNLEŞIBERMEK** [düzğünlöşüvermek], *işl.* Düzgünleşip ugramak.

**DÜZGÜNLEŞME** [düzğünlöşmö], *iş ady.* Düzgünleşmek ýagdaýy.

**DÜZGÜNLEŞMEK** [düzğünlöşmök], *işl.* Belli bir tertibe, kada, düzgüne girip ugramak; ýola düşüp başlamak. *Henizem men gelelim bäri hojalyk düzgünleşendir* ("Edebiýat we sungat).

**DÜZGÜNLEŞMEKLIK** [düzğünlöşmöklük], *iş ady.* Düzgüne girmeklik.

**DÜZGÜNLEŞMEZLIK** [düzğünlöşmözlük], *iş ady.* Belli bir tertibe, düzgüne girmezlik.

**DÜZGÜNLI** [düzğünlü], *syp.* **1**. Tertipli, hemme zady ýerbe-ýer, jaýly. *Howlynyň içi gör nähili düzgünli* (B. Kerbabaýew). **2**. Tertipli, edepli. *Düzgünli okuwçy.* **3**. Durmuş ýagdaýy oňat, ýaşaýşy gowy. *Olaryň düzgünli, derejeli ýaşaýyşlary bar.*

**DÜZGÜNLILIK** [düzğünlülük], *at.* Tertip-düzgünli bolmaklyk, tertip-düzgüni barlyk. *Tertip, düzgünlilik, sabyrlylykdan, Agaň hem iň süýji arzuwyna ýetdi* (K. Gurbannepesow).

**DÜZGÜNLIRÄK** [düzğünlürä:k], *syp.* Belli derejede düzgünli, azda-kände düzgünli.

**DÜZGÜNNAMA** [düzğünna:ma], *at.* Belli bir mesele we ş.m. esasynda düzgünleriň, kada-kanunlaryň jemi,ýygyndysy.*Harby bölümiň düzgünnamasy.*

**DÜZGÜN-NYZAM** [düzğün-nyza:m], *at.* Tertip, tertip-düzgün, düzgün. *Sadap baýyň ilki gelen gelne öwüt-ündew, edep-tertip, düzgün-nyzam öwretmek häsiýeti bardy* (B. Kerbabaýew).

**DÜZGÜN-NYZAMLY** [düzğün-nyza:mly], *syp.* Tertipli, tertip-düzgünli, düzgünli.

**DÜZGÜN-NYZAMLYLYK** [düzğün-nyza:mlylyk], *at.* Düzgün-nyzamly bolmaklyk, tertiplilik, tertip-düzgünlilik, düzgünlilik.

**DÜZGÜN-NYZAMLYRAK** [düzğün-nyza:mlyra:k], *syp.* Belli derejede düzgün-nyzamly; başgalara garanyňda düzgün-nyzamly.

**DÜZGÜNSIZ** [düzğünsüz], *syp.* **1**. Tertipsiz, tertip-nyzamsyz, bidüzgün. **2**. Başly-barat, bulam-bujar, ugur-utgasyz. *Düzgünsiz salnan köçeler abatlanýar.* **3**. Kada boýunça alnyp barylmaýan; yzygiderli bolmadyk.

**DÜZGÜNSIZLIK** [düzğünsüzlük], *at.* Düzgünsiz ýagdaýda bolmaklyk,düzgünli dällik, düzgün-nyzamsyzlyk, bidüzgünlik. *Soňky günlerde ýüze çykan düzgünsizligi tertibe salmak üçin kömek bermelidi* (B. Kerbabaýew).

**DÜZGÜNSIZRÄK** [düzğünsüzürä:k], *syp.* Belli derejede düzgünsiz; başgalaryna garanda düzgünsiz.

**DÜZGÜN-TERTIP** [düzğün-terti:p], *at.* Kada hökmünde düzgünleşen tertip, düzgün.

**DÜZI** [düzü], *at, ser.***Düzüýüp**.

**DÜZLEME** [düzlömö], *iş ady.* Düzlemek ýagdaýy.

**DÜZLEMEK** [düzlömök], *işl.* **1**. Beýikli-pesli ýerleri tep-tekiz etmek, gömüp tekizlemek. *Sapa kiçijik atyzyň içindäki çukury düzledi* (N. Esenmyradow). **2**. *gepl.d.* Ýola goýmak, sazlamak, dogrulamak. *Ol obadaky işlerini düzläp geldi.*

**DÜZLEMEKLIK** [düzlömöklük], *iş ady.* Düzlemek ýagdaýy.

**DÜZLEMEZLIK** [düzlömözlük], *iş ady.* Düzlemek işini amal etmezlik.

**DÜZLENMEK** [düzlönmök], *işl.* Beýikli-pesli ýerler tep-tekiz edilmek. *Ekin ekiljek ýerler düzlendi.*

**DÜZLEŞDIRMEK** [düzlöşdürmök], *işl.* **1**. Tekiz, düz edişdirip çykmak, tekizläp bejerişdirmek. *Biz peliň içini düzleşdirdik.* **2**. Ýola goýuşdyrmak, sazlaşdyrmak, dogrulaşdyrmak (iş-güýç hakda).

**DÜZLEŞMEK** [düzlöşmök], *işl.* Düzlemäge kömekleşmek; bilelikde düzlemek. *Ýowar güni daýhanlara ýer düzleşdik. Daýhanlar ýer düzleşip ýör.*

**DÜZLETMEK** [düzlötmök], *işl.* Düzlemek işini başga birine etdirmek; düzlemäge mümkinçilik bermek. *Ekin ekiljek ýerleri düzletmek. Siz ýaplary haçan düzletmekçi?*

**DÜZLÄBERMEK** [düzlä:vermek], *işl.* Düzläp başlamak; düzlemek işini dowam etdirmek.

**DÜZLEÝIŞ** [düzlöýüş], *iş ady.* Düzlemek ýagdaýy.

**DÜZLÜK I**, *at.* Giden giň düz meýdan. *Dagyň arkasy ýene-de giden düzlükdi* (G. Kulyýew).

**DÜZLÜK II**, *at.* Dogrulyk.

**DÜZME** [düzmö], **1**.*iş ady.* Düzmek ýagdaýy. **2**.Mekdeplerde berlen tema boýunça öz pikiriňi sowatly beýan etmek üçin geçirilýän ýazuw işi.

**DÜZMEK** [düzmök], *işl.***1**.Birnäçe zady ýüpe, çişe we ş.m. yzygiderli ötürip çykmak. *Hünji düzmek. monjuk düzmek. Bölek-bölek kesilen eti çişe düzmek*. **2**. Bölek şaýlaryny ýygnap, haýsydyr bir enjamy ýa başga bir zady gurnamak. **3**. Sazlamak (pianino, dutar we ş.m. hakynda). *Bagşy alňasaman-äwmän, tamdyrasyny düzdi* ("Edebiýat we sungat"). **4**. Aýagyňy deň basyp ýöremek. *Esgerler aýak düzüp ýöräp barýardylar*. **5**. Bir zady emele getirmek, düzümini hasyl etmek. *Watançylyk temasy makalalaryň esasy mazmunyny düzýär.* **6**. Döretmek, ýazmak, goşmak (goşgy we ş.m. hakynda). *Goşgy düzmek. Okuwçylaryň sanawyny düzmek.* **7**. Guramak, döretmek (topar hakda).

**DÜZMEKLIK** [düzmöklük], *iş ady.* Düzmek ýagdaýy.

**DÜZMELI** [düzmölü]**: düzmeli goşma sözlem** *dil b.* birnäçe ýönekeý sözlemlerden durýan goşma sözlem.

**DÜZMEZLIK** [düzmözlük], *iş ady.* Düzmek işini ýerine ýetirmezlik.

**DÜZŇI** [düzňü], *at*, *dokm.* Tara dessigini saz saklamak üçin inçeräk, işme ýa-da örme ýüp.

**DÜZÜBERMEK** [düzüvermek], *işl.* Düzüp başlamak; düzmek işini dowam etdirmek.

**DÜZÜJI** [düzüjü], *at.* Şygyr, sözlük we ş.m. düzýän, döredýän adam. *Sözlük düzüji.*

**DÜZÜJILIK** [düzüjülük], *at.* Düzüji bolmaklyk, düzüjilikişi.

**DÜZÜLEME** [düzülömö], *iş ady.* Düzülemek ýagdaýy.

**DÜZÜLEMEK** [düzülömök], *işl.*Uklary düzüýüp bilen daňyp berkitmek. *Uklary düzülemek.*

**DÜZÜLEMEZLIK** [düzülömözlük], *iş ady.* Uklary düzüýüp bilen berkitmezlik.

**DÜZÜLMEK** [düzülmök], *işl.* **1**. Birnäçe zat ýüpe, çişe we ş.m. yzygiderli ötürilip çykylmak. *Çişlik ediljek et dogramçalary çişe düzüldi.* **2**. Bir zadyň bölek şaýlary ýygnalyp gurnalmak. *Maşynyň motory birnäçe gezek sökülip düzüldi*. **3**. Sazlanmak (pianino, dutar we ş.m. hakynda). *Perdäniň aňyrsyndan bir çeküwe düzülen dutaryň owazy eşidilýärdi* ("Edebiýat we sungat"). **4**. Aýagyň deň basylyp ýörelmek. **5**. Döredilmek, ýazylmak, goşgy goşulmak. *Goşgy düzülmek.*

**DÜZÜM I**, *at.* Bir zadyň düzülip goýlan hatary, düzülen halkasy. *On düzüm monjuk, hünjüden başga-da bir topar oýunjak alypdyr* (N. Pomma).

**DÜZÜM II**, *at.* Bir himiki birleşmä, ergine girýän maddalaryň jemi. *Dereden çykan mineral suwuň düzümi derňeldi.*

**DÜZÜM-DÜZÜM**, *syp.* **1**.Birnäçe zatdan düzülen. **2**.Çogdam-çogdam, hatar-hatar bolup sallanyşyp duran. *Agaçlaryň şahalarynda düzüm-düzüm bolşup, Günüň nuruna ýalpyldaýan miweler indi ýokdy* (B. Gulow).

**DÜZÜŞ**, *iş ady.* Düzmek ýagdaýy.

**DÜZÜŞDIRMEK** [düzüşdürmök], *işl.* San taýdan köp zady düzüp çykmak. *Etleri çişe düzüşdirip, oda goýduk. Ol gyz her hili monjuklary sapaga düzüşdirdi*.

**DÜZÜŞMEK** [düzüşmök], *işl.* Düzmäge kömek etmek. *Hünji düzüşmek.*

**DÜZÜW**, *syp.* **1**. Dogry, ýalňyş däl, dürs. *Hemmesiniň hasaby düzüw bolmaly* (B. Seýtäkow). **2**. Oňat, gowy, ýagşy, düz. *Hernä soňy düzüw bolsun-da* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Ýerbe-ýer, jaýba-jaý; üpjün. *Olaryň ok-ýaraglary düzüwdi.* **4**. Matanyň we ş.m. arka ýüzi däl-de, ýüz tarapy. *Matanyň düzüw ýüzi*.

**DÜZÜWLI** [düzüwlü], *syp.* Oňly, gowy, oňat, dürs, ýeterlik, doly. *Ýogsam şindize çenli gönendirip, düzüwli ýagyşam ýaganok* (Ş. Borjakow).

**DÜZÜWLILIK** [düzüwlülük], *at.* Düzüwli bolmaklyk, oňlulyk, gowulyk, oňatlyk, dürslük.

**DÜZÜWLIRÄK** [düzüwlürä:k], *syp.* Azda-kände düzüwli, belli derejede düzüwli. *Mundan habar bolmaz, düzüwliräk habar ber!* ("Görogly").

**DÜZÜWLIK** [düzüwlük], *at.* Düzüw halda bolmaklyk, dogrulyk, gowulyk. *Bolşuny görýän welin, onuň elinden düzüwlikden başga zat gelse gerek.*

**DÜZÜÝÜP**, *at.* Gara öýüň uklaryny biri-birine çekip daňyp berkitmek üçin ýüňden dokalýan, örülýän, ini iki barmak çemesi zolly ýüp.

**DÜZZIM** *at. ser.* **Düzzüm**.

**DÜZZIMÇI** [düzzüýmçü], *at.* Düzzim oýnaýan adam. *Düzzimçileriň arasynda şowhunly gürrüň gitdi* (B. Kerbabaýew).

**DÜZZÜM** [düzzüým], *at.* Içli-daşly üç sany dörtburç çyzyk çekilip, dört gapdaly birleşdirilip, on alty çöp goýlup oýnalýan milli türkmen oýny we onuň ady. **DYGDYRAKLAMA** [dyğdyraklama], *işady*. Dygdyraklamak ýagdaýy.

**DYGDYRAKLAMAK** [dyğdyraklamak], *işl.* Daşarda sowukdan ýaňa üşäp titremek.

**DYGDYRAKLAŞMAK** [dyğdyraklaşmak], *işl.* Birnäçe bolup dygdyraklamak. *Çagalar dygdyraklaşyp dur eken.*

**DYGDYRAKLATMAK** [dyğdyraklatmak], *işl.* *Dygdyraklamagyna ýol bermek, dygdyryklamaga mejbur etmek.*

**DYGDYRAKLAÝYŞ** [dyğdyraklaýyş], *iş ady.* Dygdyraklamak ýagdaýy.

**DYGLABERMEK** [dyğla:vermek], *işl.* Dyglap ugramak; dyglap durmak.

**DYGLAMA** [dyğlama], *iş ady.* Dyglamak ýagdaýy.

**DYGLAMAK** [dyğlamak], *işl.* Tolgunma, gorkma netijesinde endamyň çümşüldäp gitmek, tikenekläp gitmek. *Gök gürledi, Endamymyz dyglady* (K. Gurbannepesow).

**DYGLAMAZLYK** [dyğlamazlyk], *iş ady.* Dyglap durmazlyk.

**DYGLATMAK** [dyğlatmak], *işl.* Bir zadyň täsiri netijesinde dyglamak katdyna gelmek. *Onuň eýmençligi endam-janyňy dygladýar.*

**DYGLAÝYŞ** [dyğlaýyş], *iş ady.* Dyglamak ýagdaýy.

**DYGRYK** [dyğryk], *syp.* **1**. Buky ýer. **2**. Köçäniň gutarýan ýeriniň petige direýän ýeri. *Rast köçemikä diýip gidýä. Ýa bir sypaýynyň howlusyna urýa, ýa dygryga urýa* ("Görogly").

**DYGY** [dy:ğy], *at.* Çen, çak; dynuw, dyngy. *Saňada dygy bolanok, her näçe aýtsamam diýleni edeňok.*

**DYGYLY** [dy:ğyly], *syp.* Hasaply, kadaly, sarpaly. *Oduny dygyly ýaksaň, köp wagta ýeter. Puly dygyly sowsaň, jübiň puly tükenmez.*

**DYGYSYZ** [dy:ğysyz], *syp.* Çensiz-çaksyz, çendenaşa, çakdanaşa, artykmaç, örän. *Ba, dygysyz owadan gyza meňzeýär* ("Edebiýat we sungat").

**DYGYSYZLYK** [dy:ğysyzlyk], *at.* Çensiz-çaksyzlyk, çendenaşalyk.

**DYKAÇ**, *at, ser.* **Dyky**.

**DYKALABERMEK** [dykala:vermek], *işl.* Dykalap başlamak; dykalamagy dowam etmek. *Ol urusyny bugdaýdan dolduryp gaýdany üçin, çalçasyny hem şol zatlardan dykalaýsa, dünýäde başga armany galjak däldi* (B. Kerbabaýew).

**DYKALAMA**, *iş ady.* Dykalamak ýagdaýy.

**DYKALAMAK**, *işl.* Gaýta-gaýta, yzly-yzyna dykmak, dykyp doldurmak. *Haltany dykalap, otdan doldurmak.*

**DYKALAMAKLYK** [dykalamaklyk], *iş ady.* Dykalamak ýagdaýy.

**DYKALAMAZLYK** [dykalamazlyk], *iş ady.* Dykalamak işini ýerine ýetirmezlik, dykalap durmazlyk.

**DYKALANMAK**, *işl.* Gaýta-gaýta, yzly-yzyna dykylmak. *Ýigit dykalanan haltasyny gapanyň üstünde goýdy.*

**DYKALAŞDYRMAK**, *işl.* Yzly-yzyna dykalap çykmak, dykyp dolduryşdyrmak. *Olar ganarlary dykalaşdyryp doldurdylar.*

**DYKALAŞMAK**, *işl.* Dykalamaga kömek etmek. *Men onuň içi ýüňli çuwallaryny dykalaşdym.*

**DYKALATMAK**, *işl.* Dykalamak işini başga birine etdirmek.

**DYKALAÝYŞ**, *iş ady.* Dykalamak ýagdaýy.

**DYKANÇ**, *at, ser.* **Dyky**. *Sopbajyny ýag küýzesiniň dykanjy ýaly edip sögünip başlady* ("Görogly").

**DYKDYRMAK**, *işl.* Dykmak işini başga birine etdirmek; dykmaga ýol bermek, mümkinçilik bermek. *Halta harpyk dykdyrmak. Çüýşäniň agzyny dykdyrmak.*

**DYKGAT**, *at.* Adamyň bar pikiriniň, garaýşynyň, nazarynyň, ünsüniň bir zada gönükdirilmegi, jemlenmegi, üns. *Dykgat bilen hekaýany diňledik* ("Edebiýat we sungat").

**DYKGATLY**, *syp.* Dykgat bilen, üns bilen, ünsli.

**DYKGATLYLYK**, *at.* Dykgatly bolmaklyk, ünslülik.

**DYKGATSYZ** [dykgassyz], *syp.* Dykgatly bolmadyk, ünssüz.

**DYKGATSYZLYK** [dykgassyzlyk], *at.* Dykgatly bolmazlyk, ünssüzlik.

**DYKGATSYZRAK** [dykgassyzyra:k], *syp.* Belli derejede dykgatsyz, azda-kände dykgatsyz, deňeşdirilýän adama garanda dykgatsyz.

**DYKMA**, **1**. *iş ady.* Dykmak ýagdaýy. **2**. *syp.* Dykylan, dykyp doldurylan.

**DYKMAK**, *işl.* **1**. Ýerleşikli basyp, dykalap gaba salmak. **2**. Dyky we ş.m. bilen bir zadyň agzyny, deşigini berk baglamak, ýapmak, dykylamak. **3**. Güýç bilen gabyň, jaýyň we ş.m. içine iterip salmak, girizmek. *Töreş bu adamyň ýüzüne-de bakman, ýeňsesinden elini ýazdyrman, derwezeden giren ýerindäki garawulhana eltip dykdy* (B. Seýtäkow). **4**. *gepl.d.* Agzyndakyny çeýnäp ýetişmänkä, ýuwdup-ýuwutmanka ýene iýmek, açgözlük bilen iýmek. *Ol ýumşak çöregi nebsewürlik bilen dykýardy.*

**DYKMAKLYK**, *iş ady.* Dykmak ýagdaýy.

**DYKNYK**, *syp., ser.* **Dyknyşyk**.

**DYKNYŞMAK**, *işl.* Biri-biriňe gysylyşyp, itnişip durmak.

**DYKNYŞYK**, *at.* Adamlaryň gysylyşyp, itnişip duran görnüşi, dyknyk ýagdaý. *Baýram dyknyşygyň içinden çakganlyk bilen ýol ýasap, burçda oturan Derýaguly aganyň ýanyna bardy* (N. Jumaýew).

**DYKNYŞYKLYK**, *at.* Dyknyşyk ýagdaý, itnişiklik, gyslyşyklyk.

**DYKRYGYŞ** [dykyryğyş], *iş ady.* Dykrykmak ýagdaýy.

**DYKRYK** [dykyryk], *syp.* Dykyz, gataňsy.

**DYKRYKMA** [dykyrykma], *iş ady.* Dykrykmak ýagdaýy.

**DYKRYKMAK** [dykyrykmak], *işl.* Dykyzlanyp gatamak, berkemek.

**DYKRYKMAZLYK** [dykyrykmazlyk], *iş ady.* Dykryk bolmazlyk. *Dykrykmazlygy üçin ergini kemsiz garmaly* ("Edebiýat we sungat").

**DYKY**, *at.* Bokurdakly, agzy dar gaplaryň agzyna dykylýan agyzýapy. *Çüýşäň dykysy parkyldap, petige baryp degdi* (B. Kerbabaýew).

**DYKYBERMEK** [dykyvermek], *işl.* Dykyp başlamak; dykyp durmak, dykyp oturmak, dykyp ýörmek. *Aljak samanyňy şol üýşmekden dykyber.*

**DYKYLABERMEK** [dykyla:vermek], *işl.* Dykylap başlamak.

**DYKYLAMA**, *iş ady.* Dykylamak ýagdaýy.

**DYKYLAMAK**, *işl.* Bir zadyň agzyny dyky bilen beklemek, dyky dykmak. *Suw çelekleriň agzyny dykylamak.*

**DYKYLAMAKLYK**, *işl.* Dykylamak ýagdaýy.

**DYKYLANMAK**, *işl.* Dyky bilen dykylmak. *Agyzlary dykylanan çüýşeler hatara goýlupdy.*

**DYKYLAŞMAK**, *işl.* Dykylamaga kömek etmek.

**DYKYLATMAK**, *işl.* Dykylamak işini başga birine etdirmek.

**DYKYLAÝYŞ**, *iş ady.* Dykylamak ýagdaýy.

**DYKYLMAK**, *işl.* **1**. Dykalap gaba salynmak. **2**. Dyky we ş.m. bilen bir zadyň agzyny baglamak, ýapmak. **3**. Zor bilen girizilmek. *Duşman Hazar deňzine eltilip dykylýança ýolda tükeniksiz suwsuz çöller kändi* (B. Kerbabaýew). **4**. Alkymyna ýakyn barmak, sokulyp barmak. *– Alyň, bolmasa meniň telpegimi geýdiriň – diýip, Rahym dilmaç dykylyp geldi* (H. Derýaýew). **5**.Turba ýaly zatlaryň içi bitmek, baglanmak, beklenmek, olaryň içinde, ýolunda dykyn emele gelmek. *Onda buraw desgasynyň turbasy dykylypdyr* (B. Pürliýew).

**DYKYN**, *at.* Bir zadyň ýolunda ot-çöpüň üýşmegi sebäpli emele gelen päsgelçilik.

◊ **Dykyn almak** bir zadyň ýolunda ot-çöp üýşüp, päsgelçilik emele gelmek. *Dykyn alan böwet*.

**DYKYŞ**, *iş ady.* Dykmak ýagdaýy.

**DYKYŞDYRMAK**, *işl.* Bir ýanyndan dykyp çykmak (köp zat hakynda).

**DYKYŞMAK**, *işl.* **1**. Dykmaga kömekleşmek. **2**. Bilelikde dykmak. *Suwly çelekleriň agzyna dyky dykyşmak.*

**DYKYZ**, *syp.* **1**.Örän syk, çal bolmadyk (mata hakynda). *Dokalyşy örän dykyzdy* (B. Kerbabaýew). **2**. Içi urlup dykylan, basylyp doldurylan. *Içine gowurma salnan dykyz garyn.* **3**. *göç.m.* Etli-ganly, ýogyn, doly, semiz. *Kelte boýly dykyz adam gapynyň öňünde peýda boldy* (N. Jumaýew).

**DYKYZLANMA**, *iş ady.* Dykyzlanmak ýagdaýy.

**DYKYZLANMAK**, *işl.* **1**. Dykyz bolmak, kem-kemden dykyz bolmak. **2**. *göç.m.* Doluşmak, semremek, ýognamak.

**DYKYZLANMAZLYK**, *iş ady.* Dykyzlanmak derejesine ýetmezlik.

**DYKYZLANYŞ**, *iş ady.* Dykyzlanmak ýagdaýy.

**DYKYZLYK**, *at.* **1**. Dykyz ýagdaýda bolmaklyk. **2**. *göç.m.* Dolulyk, semizlik, ýogynlyk.

**DYKYZRAK** [dykyzyra:k], *syp.* Azda-kände dykyz. *Ol ýanyndakylara garanda dykyzrak görünýär.*

**DYLÇARMA**, *iş ady.* Dylçarmak ýagdaýy.

**DYLÇARMAK**, *işl.*, *gepl.d.* Semizlikden ýaňa ýaňagyň, ýüzüň derisi ýalpyldap durmak. *Pökgi Walaň dylçaryp duran ýaňaklary tisgindi, ýapbaşyk burny müňküldedi* (B. Kerbabaýew).

**DYLÇARMAKLYK**, *iş ady.* Dylçarmak ýagdaýy.

**DYLÇARTMAK**, *işl.* Dylçarmak katdyna ýetirmek, dylçaran ýüzüni mazamlamak, somlamak, görkezmek. *Onuň ýüzüni dylçardyp oturyşy birhili.*

**DYLÇARYŞ**, *iş ady.* Dylçarmak ýagdaýy.

**DYLMYLDABERMEK** [dylmylla:vermek], *işl.* Dylmyldap ugramak.

**DYLMYLDAMA** [dylmyllama], *iş ady.* Dylmyldamak ýagdaýy.

**DYLMYLDAMAK** [dylmyllamak], *işl.* Dylym-dylym etmek, gülümsiremek, ýyrşaryp ýaranjak bolmak. *Ol Hatyjanyň öňünde dylmyldap, ýagşy görünjek boldy* (N. Pomma).

**DYLMYLDAMAKLYK** [dylmyllamaklyk], *iş ady.* Dylmyldamak ýagdaýy.

**DYLMYLDAŞMAK** [dylmyllaşmak], *işl.* Bile dylmyldamak. *Dylmyldaşyp oturmaň-da, işiňiz bilen boluň!*

**DYLMYLDAÝYŞ** [dylmyllaýyş], *iş ady.* Dylmyldamak ýagdaýy.

**DYLYM-DYLYM**, *s. ş. aňl. söz.* Bir zatdan göwnühoş bolup, sessiz dylmyldalanda ýüzde emele gelýän alamat, şekil. *Ol dylym-dylym edip durşuna: – Dogranyň haky ýokmy? – diýip degişdi* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Alem içre at gezer", 10 s.). *Aknabat eje dylym-dylym etdi, Berdi aganyň ýanyna geldi (A.Durdyýew).*

**DYLYMSYRAMAK**, *işl.* Çalajadan dylym-dylym etmek. *Ol aýalyň nämä dylymsyraýanyny bilip bilmedi.*

**DYM-AK** [dym-ma:k], *syp., ser.* **Duw-ak**. *Haýsydyr bir ugurdan güýçli ýalkym göterilip, älemi gurşaýan garaňky asmanyň ýüzüni dym-ak edip, bir tarapa baka göterilip gidýär* (A. Gowşudow).

**DYMDYRMAK**, *işl.* Biriniň geplemegini bes etdirmek, geplemesini goýdurmak.

**DYM-DYRS** [dym-dyrys], *syp.* Sessiz-üýnsüz, ümsüm, imi-sala, parahat. *Toýçy märeke dym-dyrs boldy* (B. Kerbabaýew).

**DYM-DYRSLYK** [dym-dyryslyk], *at*. Sessiz-üýnsüzlik, ümsümlik, imi-salalyk, parahatlyk. *Giň otaga dym-dyrslyk aralaşdy* (B. Hudaýnazarow).

**DYM-GYZYL** [dymğyzyl], *syp.* Örän gyzyl, gaty gyzyl, çym-gyzyl. *Onuň derçigip duran ýüzi dym-gyzyl boldy* (B. Pürliýew).

**DYMJYK**, *syp., ser.* **Dymyljyk**.*Ýyly tamyň içine dymjyk der ysy ýaýrap gitdi* (B. Pürliýew).

**DYMJYKDYRMAK**, *işl.* Howa ýetmezligi sebäpli yslandyryp zaýalamak.

**DYMJYKLYK**, *at, ser.* **Dymyljyklyk**.

**DYMJYKMAK**, *at, ser.* **Dymyljamak**. *Pessaý şemal dymjygan endamlary sowatdy* (B. Kerbabaýew).

**DYMMA**, **1**.*iş ady.* Dymmak ýagdaýy. **2**. *syp*.Köp geplemeýän, geplemsek däl, geplemezek. *Hiç wagt märekede geplemän ýören dymma ýigitlerden biri şu ýerde birinji gezek sözledi* (A. Gowşudow).

**DYMMAK**, *işl.* **1**. Geplemän, sesiňi çykarman oturmak, durmak; sessiz-sedasyz bolmak. **2**. *göç.m.* Petiş bolmak, şemal ösmän, howa dymyk bolmak. *Howa dymýardy*. **3**. *göç. m.* Asuda ýagdaýda bolmak; sessiz-üýnsüz ýagdaý aralaşmak. *Käwagt horazlaryň, eşekleriň uzak ýerlerden gelýän sesleri hasratda dyman garaňky gijä az-kem gozgalaň salýardy* (H. Derýaýew).

**DYMMAKLYK**, *iş ady.* Dymmak ýagdaýy.

**DYMMALYK**, *at*. Dymma häsiýetli bolmaklyk, geplemsek dällik, geplemezeklik. *Belki, bu biçäräniň dymmalygy şonuň üçindir* ("Edebiýat we sungat").

**DYMMARAK** [dymmara:k], *syp.* Azda-kände dymma. *Gumlularyň dymmarak halkdygy köplere mälim* (B. Hudaýnazarow).

**DYMMAZLYK**, *işl.* Dymyp oturmazlyk, dymyp durmazlyk, dymyp ýörmezlik.

**DYMŞYK**, *at, ser.* **Dymyşlyk**. *Bu dymşykda uly öýkäniň bardygyny-da şol bada aňladym* ("Edebiýat we sungat").

**DYMŞYKLYK**, *at*. Ümsümlik, dym-dyrslyk.

**DYMYGRAK** [dymyğra:k], *syp.* Azda-kände dymyk. *Öýüň içi dymygrak ýaly.*

**DYMYK**, *syp.* Dem gysdyryjy, tutuk, petiş, kapas. *Daşarynyň dymyk howasyna garamazdan, jaýyň içinde endamyňa şemal çalyp dur* (S. Ataýew).

◊ **Dymyk sesler** ses perdeleriniň titremedik, heň döretmedik wagtynda emele gelen, degişli böwetlerde dörän, galmagaldan durýan çekimsizler (k, p, t, f, s, ş, ç). *Dymyk sesleriň açyga öwrülişi.*

**DYMYKLAŞMA**, *iş ady.* Dymyklaşmak ýagdaýy.

**DYMYKLAŞMAK**, *işl.* **1**. Birneme dymyklyk aralaşmak, petişlenmek, kapaslanmak. *Howa gijara dymyklaşyp başlady*. **2**. *dil b.* Açyk çekimsiz sesleriň degişli dymyk seslere öwrülmegi.

**DYMYKLAŞMAKLYK**, *iş ady.* Dymyklaşmak ýagdaýy.

**DYMYKLAŞMAZLYK**, *iş ady.* Dymyk bolmazlyk; dymyk çekimsize öwrülmezlik (çekimsiz ses hakynda).

**DYMYKLYK**, *at*. Dymyk bolmaklyk ýagdaýy, petişlik, kapaslyk. *Agras dymyklyk daş-töweregi büräpdi* (O. Gadamow).

**DYMYLJABERMEK** [dymylja:vermek], *işl.* Dymyljap ugramak.

**DYMYLJAGAN** [dymyljağan], *syp.* Dymyljamaga ýakyn, dymyljap duragan.

**DYMYLJAMA**, *iş ady.* Dymyljamak ýagdaýy.

**DYMYLJAMAK**, *işl.* Yssy, dymyk howanyň täsiri netijesinde yslanmak, zaýalanmak. *Et dymyljapdyr.*

**DYMYLJAMAKLYK**, *iş ady.* Dymyljamak ýagdaýy.

**DYMYLJAMAZLYK**, *iş ady.* Dymyljamak katdyna ýetmezlik, dymyljap durmazlyk.

**DYMYŞ**, *iş ady.* Dymmak ýagdaýy.

**DYMYŞLYK**, *at*. Dymmaklyk netijesinde emele gelen sessiz-üýnsüzlik, ümsümlik. *Bu dymyşlykda Berdi Uzugy gutarmak hakynda oýlandy* (H. Derýaýew).

**DYMYŞMAK**, *at*. Bilelikde dymmak. *Soňra olar biraz salym dymşyp ýörediler* (N. Jumaýew).

**DYNÇ** [dy:nç], *syp.* **1**. Argyn däl, ýadaw däl; işlemän oturan. *Dynç adam*. **2**. Asudalyk ýagdaýynda bolan, hereketsiz. *Näme üçin biz bu atlary bakyp-bejerip, boş ýatyrýarys, bu zamanda iýip-içip dynç ýatmak halanmaýar, peýdalanyň! – diýip, Hoşgeldi aýtdy* (A. Gowşudow). **3**. Rahat, gowgasyz. *Dynç başyňy depirjik äre berme* (Atalar sözi). **4**. *Dynç* sözünden soň *almak* kömekçi işligi gelip, düzümli işlik ýasalýar: **Dynç almak** dynç oturyp, güýjüňi dikeltmek; işden boş wagtyňy bir ýerlerde geçirmek. *Biziň daýhanlarymyz dynjy harman-hoşadan soň alýandyrlar* (B. Kerbabaýew).

**DYNÇLYK** [dy:nyşlyk], *at*. Dynç ýagdaýda bolmaklyk. *Onuň syratyny bir gezek görseň, ol saňa gündiz dynçlyk, gije uky bermeýär* (B. Seýtäkow).

**DYNDARMAK** [dy:nnarmak], *işl.* **1**. Birini bir zatdan halas etmek, azat etmek, gutarmak. *Gurbanyň bolaýyn Gaýtarmyş ata, özüň ýetişiweri-de, bigünä*

*çagamy şu bela-beterden dyndaraweri* (B. Gulow). **2**. Mahrum etmek, kesmek. *Sapyny döwüp, meni ýekeje pilimdenem-ä dyndardyň.*

**DYNGY** [dy:nğy], *at.* **1**. Gepiň arasyndaky gysgajyk arakesme, säginme. **2**. *sazç.*Çalynýan saz arasyndaky arakesme, säginme. **3**. *Dyngy* sözüniň soňundan *bermek* kömekçi işligi gelip, düzümli işlik ýasalýar: **Dyngy bermek** gepläp duran wagtyň sözüň arasyny bölmek, az salymlyk geplemäňi goýmak. *Şirin uludan demini alyp, sözüne dyngy berdi* (B. Pürliýew).

◊ **Dyngy belgiler** (*dil b.*) ýazuwda many we äheň aýratynlyklaryny görkezmek üçin goýulýan belgiler (nokat, otur, iki nokat, sorag, ýüzlenme we ş.m.).

**DYNGYSYZ** [dy:nğysyz], *syp.* Yzyny üzmän, dynman, üznüksiz, birsyhly, tükeniksiz, dynuwsyz.

**DYNGYSYZLYK** [dy:nğysyzlyk], *at.* Yzyny üzmezlik, üznüksizlik, tükeniksizlik, dynuwsyzlyk.

**DYNJYRGAMAK** [dy:njyrğamak], *işl.* Gereginden artyk dynç alandygy özüni alyp barşyndan görünmek. *Onuň dynjyrgandygy bolup durşundan bildirip dur. Dynjyrgan bolsaň, bir azajyk maňa kömek edäý.*

**DYNMA** [dy:nma], *iş ady.* Dynmak ýagdaýy.

**DYNMAK** [dy:nmak] **I**, *işl.* **1**. Bir zatdan halas bolmak, gutulmak. **2**. Mahrum bolmak, kesilmek. *Göreçden dynmak.* **3**. Edýän işiňi, sapaklaryňy tamamlamak netijesinde boşamak. *Sapaklarymdan dyndym, indi birazajyk dynç alsam hem bolar.*

**DYNMAK** [dy:nmak] **II**, *işl., ser.* **1. Diňmek**, **2**. *Çagajyk dynar ýerde dynmady*.

**DYNMAKLYK** [dy:nmaklyk], *iş ady.* Dynmak ýagdaýy.

**DYNMAN** [dy:nma:n], *hal.* **1**. Durman, saklanman, üznüksiz, yzyny üzmän, yzyny kesmän. *Ol soňky wagtlarda dynman işleýär.* **2**. Aglamasyny goýman, diňmän. *Çagajyk dynman aglaýardy.* **3**. Ýagmasyny bes etmän, diňmän. *Ýagyş uzakly gün dynman ýagdy.*

**DYNMAZLYK** [dy:nmazlyk], *iş ady.* Dynyp bilmezlik.

**DYNNYM** [dynny:m]**: dynnym ýaly** örän kiçi; ujypsyzja, sähelçe, azajyk. *Dynnym ýaly süýjini agzyna atdy.*

**DYNUW** [dy:nuw], *at, ser.* **Dyngy**. *Gapa dynuw ýokdy.*

**DYNUWSYZ** [dy:nuwsuz], *syp., ser.* **Dyngysyz**. *Olar dynuwsyz işleýär.*

**DYNUWSYZLYK** [dy:nuwsuzluk], *at, ser.* **Dyngysyzlyk**.

**DYNYBERMEK** [dy:nyvermek], *işl.* Dynmaga ýakynlamak.

**DYNYLMAK** [dy:nylmak], *işl.* **1**. Bir zatdan halas bolmak, azat bolmak. *Gyş möwsüminde ekin-dikin işlerinden dynylýar*. **2**. Edilýän iş we ş.m. tamamlanmak netijesinde boş bolunmak. *Gutardyş synaglaryndan dynylsa, saňa ýoldaş bolup, oba gidäýmegim mümkin.*

**DYNYŞ** [dy:nyş], *iş ady.* Dynmak ýagdaýy.

**DYŇZABERMEK** [dyňza:vermek], *işl.* Dyňzap başlamak.

**DYŇZAMA**, *iş ady.* Dyňzamak ýagdaýy.

**DYŇZAMAK**, *işl.* **1**. Güýjemek, joşmak, has möwç urmak. *Amyderýa hem ýylboýy dyňzap akdy* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Pugta dykylyp salynmak netijesinde gübermek, ýarylara gelmek; dolup durmak. *Sürüden gelýän sygyrlaryň ýelni dyňzap durdy.*

**DYŇZAMAKLYK**, *iş ady.* Dyňzamak ýagdaýy.

**DYŇZAMAZLYK**, *işl.* Dyňzamak katdyna ýetmezlik.

**DYŇZAŞMAK**, *işl.* Dyňzap durmak (köp zat hakynda).

**DYRJAŞMA**, *iş ady.* Dyrjaşmak ýagdaýy.

**DYRJAŞMAK**, *işl.* Jan etmek, yhlas bilen ýapyşmak, dyryşmak, çalyşmak. *Ol özüniň iň soňky sözüni aýtjak bolup dyrjaşdy* (Ý. Mämmediýew). *Her kim özüni çetde saklamaga dyrjaşýar* (Ş. Borjakow).

**DYRJAŞMAKLYK**, *iş ady.* Dyrjaşmak ýagdaýy.

**DYRJAŞMAZLYK**, *iş ady.* Dyrjaşyp durmazlyk.

**DYRJAŞYBERMEK** [dyrjaşyvermek], *işl.* Dyrjaşyp başlamak, dyrjaşyp ugramak.

**DYRJAŞYLMAK**, *işl.* Jan edilmek, yhlasly ýapyşylmak, dyryşylmak, çalşylmak.

**DYRMABERMEK** [dyrma:vermek], *işl.* Dyrmalap başlamak, dyrmap oturmak.

**DYRMALABERMEK** [dyrmala:vermek], *işl.* Dyrmalap ugramak.

**DYRMALAMA**, *iş ady.* Dyrmalamak ýagdaýy.

**DYRMALAMAK**, *işl.* Yzygiderli dyrmamak, gaýta-gaýta dyrmamak. *Gülendam aýagynyň astynda ýatan çöpi aldy-da, ýeri dyrmalap oturyberdi* ("Görogly").

**DYRMALAMAKLYK**, *işl.* Dyrmalamak ýagdaýy.

**DYRMALAMAZLYK**, *iş ady.* Dyrmalap durmazlyk, yzygiderli dyrmamazlyk, gaýta-gaýta dyrmamazlyk.

**DYRMALANMAK**, *işl.* Barmak, dyrnak we ş.m. bilen bir zadyň ýüzi sydyrdylmak, gazalmak.

**DYRMALAŞDYRMAK**, *işl.* Yzly-yzyna, gaýta-gaýta dyrmalap çykmak. *Çisňäp duran ýagşyň derýa ýüzüni dyrmalaşdyryşyna seredýärdi* (N. Saryhanow).

**DYRMALAŞMAK**, *işl.* Bilelikde dyrmamak.

**DYRMALATMAK**, *işl.* Dyrmalamaga mejbur etmek, dyrmalar ýaly etmek.

**DYRMAMAK**, *işl.* **1**. Barmak, dyrnak we ş.m. zat bilen bir zadyň ýüzüni sydyrtmak, gazamak. *Ol böwrüni diňirgäp, gulagynyň ýeňsesini dyrmady* (B. Kerbabaýew). **2**. *gepl.d.* Gazyp, dörjäp bejermek (ekin hakynda). *Olar keşleriň arasyny ýeňiljek dyrmaýardylar, ýumşadýardylar* (B. Kerbabaýew). **3**. *gepl. d., ser.* **Dyrnaçaklamak**.

**DYRMANMAK**, *işl.* Gümra bolmak, meşgul bolmak, işe güýmenmek. *Ol daş işikde bir zatlara dyrmanýardy* (A. Gowşudow).

**DYRMANYŞMAK**, *işl.* Bilelikde dyrmanmak.

**DYRMAŞMA**, *iş ady.* Dyrmaşmak ýagdaýy.

**DYRMAŞMAK**, *işl.* **1**. Eliň-aýagyň bilen ýapyşyp, bir zadyň ýokary başyna, üstüne çykmak. *Maýmynyň agaja dyrmaşyşy ýaly, merdiwana ynam bilen dyrmaşdy* (B. Seýtäkow). **2**. Baldaklary dikilen agaja, gerlen sime we ş.m. ýapyşyp, ýokarlygyna ýaýrap ösmek (käbir ösümlikler hakynda).

**DYRMAŞMAKLYK**, *iş ady.* Dyrmaşmak ýagdaýy.

**DYRMAŞYBERMEK** [dyrmaşyvermek], *işl.* Dyrmaşyp başlamak.

**DYRMAŞYŞ**, *işl.* Dyrmaşmak ýagdaýy.

**DYRMATMAK**, *işl.* Dyrmamaga mümkinçilik bermek, ýol bermek.

**DYRMAÝYŞ**, *iş ady.* Dyrmamak ýagdaýy.

**DYRMYK**, *at.* Depilen ýeriň keseklerini owradyp düzlemek ýa-da sepilen tohumyň üstüni örtmek üçin ulanylýan uzyn saply diş-diş gural. *Iri kesekleri demir dyrmyk bilen owradýarlar.*

**DYRMYKLABERMEK** [dyrmykla:vermek], *işl.* Dyrmyklap başlamak; dyrmyklamak işini dowam etdirmek.

**DYRMYKLAMA**, *iş ady.* Dyrmyklamak ýagdaýy.

**DYRMYKLAMAK**, *işl.* Dyrmyk işletmek, dyrmyk ýöredip ýumşatmak, düzlemek (ýer hakynda); dyrmyk ýöredip syrmak, süpürmek (saman-sepir hakynda). *Ekin ekilen ýeriňüsti gapaklanda ýüzleýje dyrmyklamaly.*

**DYRMYKLAMAKLYK**, *iş ady.* Dyrmyklamak ýagdaýy.

**DYRMYKLANMAK**, *işl.* Dyrmyk bilen işlenmek, dyrmyklap işlenmek, dyrmyk bilen owradylyp ýumşadylmak (ýer hakynda), dyrmyk bilen syrylyp-süpürilmek (saman-sepir hakynda). *Käşir tohumy sepilen badyna dyrmyklansa gowy bolýar.*

**DYRMYKLAŞMAK**, *işl.* Dyrmyklamaga kömek etmek; bilelikde dyrmyklamak. *Goňşymyň ýorunja tohumyny sepen kölçesini dyrmyklaşdym.*

**DYRMYKLATMAK**, *işl.* Dyrmyklamak işini birine etdirmek. *Garry ene maňa tohum sepdirip, soňundanam ekilen ýeri dyrmyklatdy.*

**DYRMYKLAÝYŞ**, *iş ady.* Dyrmyklamak ýagdaýy.

**DYRMYLDAMAK** [dyrmyllamak], *işl., ser.* **Dyrmanmak**. *Bu dyrmyldap oturyşyňa sen eliňdäki işiňi ertire-de gutarmarsyň.*

**DYRNAÇAK**, *at.* **1**. *ser.* **Dyrnak 1**, **2**. **2**. Dyrnaçaklananda galýan sypjyryk, dyrnak yzy.

**DYRNAÇAK-DYRNAÇAK**, *at.* Köp sanly dyrnak yzy.

**DYRNAÇAKLABERMEK** [dyrnaçakla:vermek], *işl.* Dyrnaçaklap başlamak.

**DYRNAÇAKLAMA**, *iş ady.* Dyrnaçaklamak ýagdaýy.

**DYRNAÇAKLAMAK**, *işl.* Dyrnagyňy çümdürip, dyrnak yzyny galdyrmak, dyrnak bilen sypjyrmak. *Bir elini boşadyp, emeldaryň gözüni, ýüzüni dyrnaçaklap, sakgallarynyň tüýlerini ýeke-ýekeden ütüp başlady* (B. Seýtäkow).

**DYRNAÇAKLANMAK**, *işl.* Dyrnagyň çümdürilip, dyrnak yzy galdyrylmak.

**DYRNAÇAKLAMAZLYK**, *iş ady.* Dyrnak yzyny salmazlyk, dyrnak urmazlyk.

**DYRNAÇAKLAŞDYRMAK**, *işl.* Dyrnaçaklap çykmak, dyrnaçak-dyrnaçak etmek.

**DYRNAÇAKLAŞMAK**, *işl.* Biri-birini dyrnaçaklamak.

**DYRNAÇAKLATMAK**, *işl.* Dyrnaçaklamagyna ýol bermek.

**DYRNAÇAKLAÝYŞ**, *iş ady.* Dyrnaçaklamak ýagdaýy.

**DYRNAK**, *at.* **1**. Eliň-aýagyň barmaklarynyň ujundaky maýany örtüp duran buýnuz örtük. **2**. Guşuň, itiň, pişigiň we ş.m. haýwanlaryň barmaklaryndaky buýnuz örtük. **3**. *dokm.* Ujy togalajyk we aşagy egrelip yzyna gaýdyp duran nagyş. **4**. *gepl.d.* Jaýyň tutulýan düýbi.

◊ **Dyrnak ýaly** kiçijik. *Dyrnak ýaly bolup, senem ýönäň bilen däl-aý?!*

**DYRNAKGÖL** [dyrnakgö:l], *at.* Haly gölüniň bir görnüşi.

**DYRNAMA**, *işl.* Dyrnamak ýagdaýy.

**DYRNAMAK**, *işl.* Dyrnak ýa başga bir zat bile sypjyrmak, syrdyrtmak, çyzmak. *Köne gyzgany goparyp zyňsaň-da, ahmal bolsaň dyrnaýar* (B. Kerbabaýew).

**DYRNAMAKLYK**, *iş ady.* Dyrnamak ýagdaýy.

**DYRNAÝYŞ**, *iş ady.* Dyrnamak ýagdaýy.

**DYR-PYTRAK** [dy:r-pytyrak], *syp., ser.* **Duw-dagyn**. *Öýlerine barsaň, içersinde pişik oýnan ýaly, zatlar dyr-pytrak bolup ýatyr.*

**DYR-PYTRAKLYK** [dy:r-pytyraklyk], *at, ser.* **Duw-dagynlyk**.

**DYRTYK**, *syp., gepl.d.* Çala açylyp duran, ýarydan deşilen ýaly, gyýyk (göz hakynda). *Dyrtyk göz adam.*

**DYRYŞMA**, *iş ady.* Dyryşmak ýagdaýy.

**DYRYŞMAK**, *işl., ser.* **Dyrjaşmak**. *Oglan ýürekde bolan gorky-syryny aňlatmazlyga dyryşýar* (A. Gowşudow).

**DYRYŞMAKLYK**, *iş ady.* Dyryşmak ýagdaýy.

**DYRYŞMAZLYK**, *işl.* Dyrjaşmazlyk, dyrjaşmagaçalyşmazlyk.

**DYZ** [dy:z], *at*. But süňki bilen injik süňküni birleşdirýän bogun. *Altyn myssa ýylgyryp, dyzynyň üstünden işini aýryp gapdalynda goýdy* (A. Durdyýew).

◊ **Dyza çökmek** boýun bolmak, boýun egmek. *Ölüm dyza çökýär, ömür uzalýar* (D. Baýmyradow). **Dyz boýy** dabandan dyza çenli uzynlyk. *Oktýabryň ortalarynda dyz boýy gar düşdi* (B. Seýtäkow). **Dyz epmek** az salymlyk oturmak. *Daň atandan tä il ýatýança dyzyny epmeýärdi* (B. Kerbabaýew).

**DYZABERMEK** [dyza:vermek], *işl.* Dyzap ugramak, dyzap başlamak.

**DYZAMA**, *iş ady.* Dyzamak ýagdaýy.

**DYZAMAK**, *işl.* **1**. Güýç bilen öňe ýa-da yza sypjak bolup hereket etmek. *Akymyň garşysyna dyzasa, suwuň ýüzüne çykyp bilmejegine akyl ýetiren Ärnepes özüni ele aldy, akymyň ugruna ýüzdi* (N. Jumaýew). **2**. Gara güýjüň bilen zomamak. *Ol dyzap sazagy goparaýjak bolýardy* (B. Seýtäkow). **3**. *gepl.d.* Öňünde goýan maksadyňa ýa-da ş.m. zatlara ýetmek üçin bar güýjüň bilen çalyşmak, hyjuw etmek. *Okuwa girjek bolup dyzamak.*

**DYZAMAKLYK**, *iş ady.* Dyzamak ýagdaýy.

**DYZAMAZLYK**, *işl.* Dyzap durmazlyk.

**DYZANAKLABERMEK** [dy:zanakla:vermek], *işl.* Dyzanaklap başlamak, dyzanaklap ugramak.

**DYZANAKLAMA** [dy:zanaklama], *iş ady.* Dyzanaklamak ýagdaýy.

**DYZANAKLAMAK** [dy:zanaklamak], *işl.* Iki dyzyň üstünde hereket etmek. *Salpy dyzanaklap, ata-babasyndan galan demir sandygyň ýanyna bardy* (B. Pürliýew).

**DYZANAKLAMAZLYK** [dy:zanaklamazlyk], *iş ady.* Dyzanaklap hereket etmezlik.

**DYZANAKLAŞMAK** [dy:zanaklaşmak], *işl.* Bilelikde dyzanaklamak.

**DYZANAKLATMAK** [dy:zanaklatmak], *işl.* Dyzanaklamaga mejbur etmek.

**DYZANAKLAÝYŞ** [dy:zanaklaýyş], *iş ady.* Dyzanaklamak ýagdaýy.

**DYZARLABERMEK** [dy:zarla:vermek], *işl.* Dyzarlap başlamak. *Düýeleri bir ýanyndan dyzarlamak.*

**DYZARLAMA** [dy:zarlama], *iş ady.* Dyzarlamak ýagdaýy.

**DYZARLAMAK** [dy:zarlamak], *işl.* Çökerilgi düýe turmaz ýaly iki öň aýagynyň dyzyny epilgiligine daňmak. *Düýeleri oduň ýelesinde çökerip dyzarladyk-da, özümizem çaý içmäge, nahar edinmäge oturdyk* (G. Seýitmädow).

**DYZARLAMAZLYK** [dy:zarlamazlyk], *iş ady.* Dyzarlamak işini etmezlik, ýerine ýetirmezlik.

**DYZARLANMAK** [dy:zarlanmak], *işl.* Çökerilgi düýe turmaz ýaly onuň iki öň aýagynyň dyzy epilgiligine daňylmak.

**DYZARLAŞDYRMAK** [dy:zarlaşdyrmak], *işl.* Birnäçe düýäni dyzarlap çykmak.

**DYZARLAŞMAK** [dy:zarlaşmak], *işl.* **1**. Dyzarlamaga kömek etmek. *Men kakama ýük urjak bolup duran düýämizi dyzarlaşdym.* **2**. Bilelikde dyzarlamak (bu many *dyzarlamak* işliginden soň *durmak* kömekçi işligi getirilip ulanylýar). *Oglanjyk kakasyna düýäni dyzarlaşmaga durdy.*

**DYZARLATMAK** [dy:zarlatmak], *işl.* Dyzarlatmak işini başga birine etdirmek; dyzarlamaga mejbur etmek; dyzarlamaga mümkinçilik bermek, ýol bermek. *Ýaşuly ýük uruljak düýeleri ogullaryna dyzarlatdy.*

**DYZAŞDYRMAK** [dy:zaşdyrmak], *işl., ser.* **Dyzarlaşdyrmak**.

**DYZAŞMAK**, *işl.* Bilelikde dyzamak. *Biri-birlerinden öňe geçmek üçin dyzaşýarlar* (B. Seýtäkow).

**DYZATMAK**, *işl.* Zor berdirip öňe tarap omzatmak, dyzyndyrmak.

**DYZATMAK** [dy:zatmak], *işl., ser.* **Dyzarlatmak**.

**DYZBA-DYZ** [dy:zva-dy:z], *syp., ser.* **Dyzdegşir**.

**DYZBAG** [dy:zva:ğ], *at*. Düýe dyzarlanýan ýüp, bag. *Dyzarlanan düýe dyzbagyny üzdi.*

**DYZBIZI** [dy:zvi:zi], *at*. Aýallaryň içki geýiminiň dyzynyň üstüne tikilýän reňkli mata.

**DYZÇANAK** [dy:zça:nak], *at*. Injik süňki bilen but süňküni birleşdiriji dyzyň üstündäki tegelejik süňk. *Ol ýerden döwük-börtüge ökde, usully adam tapyp, onuň dyzçanagyny ýerine saldyrdy* (H. Derýaýew).

**DYZÇANAKLYK** [dy:zça:naklyk], *at*. Injik, but süňküniň dyzçanak bilen birleşýän ýeri; dyzçanagyň durýan ýeri.

**DYZDAN** [dy:zza:n], *at*, *ýerli g.* Aýallaryň içki geýimi.

**DYZDAN** [dy:zzan], *hal.* Dyza çenli, dyzyň beýikliginde, dyz boýy. *Ýabyň suwy dyzdandy.*

**DYZDEGŞIR** [dy:zzeğşi:r], *syp.* Ýanaşyk, has ýakyn, örän golaý, dyzba-dyz. *Garrylar ojagyň başynda, keçäniň üstünde dyzdegşir ornaşykly oturdylar* (N. Saryhanow).

**DYZGYN** [dyzğyn], *syp.* Güýçli öwüsýän, joşgunly çykýan; güýçli. *Dyzgyn ýel.*

**DYZGYNLYK** [dyzğynlyk], *at*. Güýçlülik, joşgunlylyk.

**DYZLAMA** [dy:zlama / dy:zylama], *iş ady.* Dyzlamak ýagdaýy.

**DYZLAMAK** [dy:zlamak / dy:zylamak], *işl., ser.* **Dyzarlamak**. *Ol baý düýesini çökerip dyzlady* ("Myraly").

**DYZLAMAKLYK**[dy:zlamaklyk/ dy:zylamaklyk], *iş ady.* Dyzlamak ýagdaýy.

**DYZLAMAZLYK** [dy:zlamazlyk/ dy:zylamazlyk], *iş ady., ser.* **Dyzarlamazlyk.**

**DYZLANMAK**[dy:zlanmak], *işl., ser.* **Dyzarlanma**.

**DYZLAŞMAK**[dy:zlaşmak] **I**, *işl., ser.* **Dyzarlaşma**. *Düýeleri dyzlaşmak.*

**DYZLAŞMAK** [dy:zlaşmak] **II**, *işl.* Dyzdegşir ýagdaýda biri-biriňe ýakyn oturmak. *Dyzlaşyp oturaly-da, lezzet alyp içeli* (B. Seýtäkow).

**DYZLATMAK**[dy:zlatmak], *işl., ser.* **Dyzarlatmak**.

**DYZLAÝYŞ** [dy:zlaýyş], *iş ady.* Dyzlamak ýagdaýy.

**DYZLYK** [dy:zlyk], *at, ser.* **Düýedyzlyk**. *Dyzlygyň düwmeleri ýaly açylyp başlan düzüm-düzüm gozalar bitginli gowaçalaryň şahalaryny ýaý ýaly egreldip dur* ("Edebiýat we sungat").

**DYZMAÇ**, *syp.* Ganygyzgynlyk bilen dyzap duran, dyzaýan. *Artyk dyzmaç alaşasynyň tanapyny özüne bakan çekip, şübheli bir ses bilen onuň soňky sözüni gaýtalady* (B. Kerbabaýew).

**DYZMAÇLYK** [dyzmaşlyk], *at.* Dyzap durujylyk, dyzmaç bolmaklyk. *Gödek dyzmaçlyk bilen ýiti paýhas neneň deň gelsin?* (G. Kulyýew).

**DYZMAJRAK** [dyzmajyra:k], *syp.* Azda-kände dyzmaç. *Ol dyzmajrak görünýär.*

**DYZYNDYRMAK** [dyzynnyrmak], *işl., ser.* **Dyzatmak**. *Gül ýaly jenany horlady arman, Dyzyndyryp goýdy ädigin bermän* (B. Kerbabaýew).

**DYZYTDYRMAK**, *işl.* Biriniň üstüne dyzap durmak, topuljak-topuljak bolup durmak. – *Saňa näme boldy ýa ol saňa bir zat etdimi, üstüne beýdip dyzytdyryp dursuň?*

**DYZZARMA**, *iş ady.* Dyzzarmak ýagdaýy.

**DYZZARMAK**, *işl.* Çendenaşa syrlaşyp durmak (egin-eşik hakynda). *Ogluna alyp beren balagy kiçi bolansoň, dyzzaryp durdy.*

**DYZZARMAKLYK**, *iş ady.* Dyzzarmak ýagdaýy.

**DYZZARTMAK**, *işl.* Dyzzaryp durar ýaly etmek. *Matadan artyk-süýşük galdyrjak bolup, buýrulan köýnegi dyzzardyp tikipdir.*

**DYZZARYŞ**, *iş ady.* Dyzzarmak ýagdaýy.

**DYZZARYŞMAK**, *işl.* Hemmesi dyzzaryp durmak; dyzzarýany halys bildirip durmak. *Olaryň geýen eşikleri dyzzaryşyp dur.*

# E

**E** [e:], Türkmen elipbiýiniň başinji harpy.

**EBEDI** [evedi / evedi:], *syp.* Müdimi, baky, ömürbaky, mydamalyk. *Ýykyp gyzyň ýoluny saklap duran böwedi, Diýdi: "Mekdep açykdyr seniň üçin ebedi"* (M. Seýidow).

**EBEDILEŞDIRILMEK** [evedi:leşdirilmek], *işl.* Hormata mynasyplaryň ady hemişelik ýatlanylar ýaly edilmek, şöhratlandyrmak. *Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda gahrymanlarça wepat bolan watandaşlarymyzyň atlary ebedileşdirildi.*

**EBEDILEŞDIRMEK** [evedi:leşdirmek], *işl.* Ebedi ýatda galar ýaly etmek, geljekki nesiller hemişelik ýadynda saklar ýaly müdimileşdirmek. *Gahrymanyň mazaryny tapyp, onuň ýadygärligini ebedileşdirdik.*

**EBEDILEŞMEK** [evedi:leşmek], *işl.* **1**. Ebedi ýatda galar ýaly bolmak, geljekki nesiller hemişelik ýadynda saklar ýaly bolmak, müdimileşmek. *Gerçekleriň ady biziň aňymyzda baky ebedileşdi.* **2**. Hemişelik bolmak, mydamalyk bolmak.

**EBEDILIK** [evedi:lik], *at.* Müdimilik, bakylyk, hemişelik, mydamalyk. *Dostlugymyz ebedilik dowam etsin!*

**EBEK** [evek], *at.* Batgalyk ýerde ýaşaýan uzyn çüňkli, arkasy menek-menek, petekesi ak guş.

**EBETEÝ** [eveteý], *at.* **1**. Bir hereketi, işi we ş.m. ýerine ýetirmek üçin başarnyk, usullylyk; ugur-ýoluny, tärini bilmeklik. *Biz ebeteýini tapyp, ýaşuludan öz işi hakda has içginräk gürrüň bermegini haýyş etdik* ("Edebiýat we sungat"). *Sende ebeteýýok, oragy nädip tutmalydygyny-da bileňok.* **2**. Amatly ýagdaý, pursat, çem, peý. *Günleriň bir gününde peýini, ebeteýini agtaryp, öz sözüni aýdyp goýdy* (B. Kerbabaýew).

**EBGAR** [evğa:r], *syp.* Hor, tapdan düşen.*Onuň haly gaty ebgar görünýärdi.*

**EBGARLAMAK** [evğa:rlamak], *işl., gepl.d.* Horlanmak, tapdan düşmek, haly gaçmak. *Ol ýarawsyzlyk zerarly gaty ebgarlapdyr.*

**EBIR** [evir], *at,k. d.* Bulut. *Ebirler owaz urup, dag kylar duman peýda* (Magtymguly).

**EBJET** [evjet], *at.* Arap elipbiýiniň "elip", "bi", "jim", "dal" harplaryndan emele gelip, köne dini mekdeplerde sowat öwretmek boýunça elipbiýden soň geçilýän gönükmeleriň bir görnüşi.

◊ **Ebjet hasaby** nusgawy edebiýatda, halk döredijiliginde manysy degişli sana görä aýdyňlaşdyrylmaly bolan tapmaça görnüşli gönükmeler toplumy. *Ebjet*

*hasabynda her harp belli bir sany aňladýar. (a (elip)-1, b (bi)-2, j (jim)-3, d (dal)-4, h (he-höwwez)-5, w (waw)-6, z (zi)-7, h (he-hutty)-8, t (taý)-9, i,ý-10, k (käp)-20, l (lam)-30, m (mim)-40, n (nun)-50, s (sin)-60, ‘ (aýn)-70, f-80, s (sad)-90, k (kap)-100, r(ry)-200, ş-300, t (ti)-400, s (si)-500, h (hy)-600, z (zal)-700, z (zad)-800, z (zaýn)-900, g (gaýn)-1000).*

**EBLA** [evla:], *at,k.d.* **1**. Akmak, samsyk, kemakyl. *Eblaga köp öwüt bermek hebesdir, Birin tutmaz gulak goýmak biläni* (Zelili). **2**. *gepl.d.* Eginbaşy ýyrtyk, eleşan.

**EBRIŞ** [evri:ş], *at, k.d., ser.* **Ebrişem**. *Ebrişdir zülpüň tary, Duşmandan alaryn ary* ("Görogly").

**EBRIŞEM** [evri:şem], *at,k. d.* Ýüpek. *Ebrişem nikabyn alyň ýüzünden* ("Saýatly – Hemra"). *Eýesine yhlas eden çyn merdan, Ebrişem höwesin etmez şal tapsa* (Magtymguly).

**EBŞIT** [evşi:t], *at.* Haýsy hem bolsa bir zadyň sepişýän ýeri, sepişik. *Molla usullyk bilen baryp, öýüň ebşidini galdyrdy* (Ç. Aşyr).

**EBŞITLEMEK** [evşi:tlemek], *işl.* Berk, mäkäm tutmak, towlap tutmak. *Ýakasyndan ebşitläp tutmak.*

**EBT** [evit], *at.* Biriniň daş görnüşi; üst-başy.

◊ **Ebti agdyk** haly harap, ruhy taýdan ýüz-gözi öçük görnüşli. *Ol şol wagt ebti agdyk, aljyraňňy, göýä bir gorkunç möjekden gaçyp gelýäne meňzeýärdi* (A. Gowşudow). **Ebtiňi agdyrmak** üst-başyňy oňarmazlyk, hopul-sopul, eleşan geýinmek. *Heý, ilde seniň ýaly ebtini agdyryp, işe günortan gelýän barmy?* (A. Durdyýew).

**EÇILMEK**, *işl.* Sahylyk etmek, jomart bolmak, eli açyklyk edip bermek. *– Eçil şu gün, Taýmaz baba, Eçil şu gün – diýşip geldik* (K. Gurbannepesow).

**EDA** [eda:], *at.* Edeplilik, sypaýylyk. *Eda bilen salam berdi.*

◊ **Eda bolmak 1)** kömek, goltgy bolmak. *Eda bolmaz niçe diýsem ýalbaryp* ("Melike – Dilaram"). **2)** taýýar bolmak, taýyn bolmak. *Bir suprada eda bolsun aşymyz* (Magtymguly).

**EDALANMAK** [eda:lanmak], *işl.* Azalmak, gutarmak. *Ömür edalandy, agardy rişim* (Magtymguly).

**EDALY** [eda:ly], *syp.*Edepli, tertipli, sypaýy, mylakatly. *Oturyp-turşy edaly, Gaşlary galam islärin* (Magtymguly).

**EDALYLYK** [eda:lylyk], *at.* Edaly bolmaklyk, edeplilik, sypaýylyk.

**EDARA** [eda:ra], *at.* **1**. Belli bir ugurdan işleri amala aşyrmak üçin guralan gurama. *Döwlet edarasy. Ylmy edara. Çagalar edarasy*. **2**. Şol guramanyň jaýy.

◊ **Edara etmek** dolandyrmak, işi guramak. *Döwleti edara etmek.*

**EDEBI** [edevi:], *syp.* **1**. Çeper edebiýata degişli bolan, edebiýata mahsus bolan. **2**. Edebi diliň kadalaryna laýyk gelýän. *Edebi sözleýiş.*

◊ **Edebi dil** umumyhalk diliniň işlenen, timarlanan görnüşi: onuň grammatikasyna, söz ulanylyşyna we sözleriň aýdylyşyna belli bir kadalara eýermeklik mahsusdyr. *Türkmen edebi dili*.

**EDEBIÝAT** [edeviýa:t], *at.* **1**. Ylmy, edebi we ş.m. eserleriň ählisiniň jemi. **2**. Sözüň, diliň kömegi bilen, çeper keşp arkaly tapawutlanýan sungatyň bir görnüşi, şonuň ýaly-da şeýle görnüşli sungat eseri. **3**. Bilimiň bir pudagy, ýörite bir mesele boýunça çap bolup çykýan eserleriň jemi. *Syýasy edebiýat*.

**EDEBIÝATÇY** [edeviýa:tçy], *at.* Edebiýaty öwreniş ylmy bilen meşgullanýan adam, edebiýat boýunça hünärmen.

**EDEMSIZ**, *syp., gepl.d.* Erksiz, ygtyýarsyz. *Gulak tutsaň, nesihatdan aýdana, Edemsiz adamlar titrär ýaýdana* (Talyby).

**EDEN**, *at, gepl. d.* Gapa golaý ýer. *Edende tapsaň, töre geçme* (Nakyl).

**EDEN-ETDILIK**, *at.* Tertipsizlik, edeniňi edip ýörmeklik, isläniňi etmeklik. *Onuň eden-etdilikden ...ýaňa içi ot bolup durdy* (G. Kulyýew).

**EDENLI**, *syp.* Eden işini oňarýan, dogumly, gaýratly. *Ýanyňyza daýaw hem edenli ýigitlerden bir-iki sanysyny alyp gidiň* (N. Pomma).

**EDENLILIK**, *at.* Dogumlylyk, iş oňaryjylyk, gaýratlylyk. *Seniň edenliligiň, ilkinji ädimleriň, edýän tagallalaryň duýgyma jaý düşdi* (R.Gelenow).

**EDENLISIREMEK**, *işl.* Özüňi edenli görkezen bolmak.

**EDEP**, *at.* Edep-ekram, terbiýe, tertip-düzgün. *Ogul edebi bilen arzyly, gyz – gylygy bilen* (Nakyl).

◊ **Edep agajy** köne mekdebiň bir burçunda goýulýan agaç ýa-da çybyk (sapak wagty daş çykmak isleýän talyp molladan rugsat almak üçin şol agajy eline alýar). **Edep bermek** terbiýelemek. **Edep görmek** terbiýelenmek, terbiýe almak.

**EDEPLI**, *syp.* Özünde gowy gylyk-häsiýeti jemlän, edep alan, edebi bolan, terbiýeli. *Ol diýseň edepli, asylly ýigit bolup ýetişdi.*

**EDEP-EKRAM** [edev-ekira:m], *at,ser.* **Edep**.

**EDEP-EKRAMLY** [edev-ekira:mly], *ser.* **Edepli**. *Edepli-ekramly, mylaýymzada, Tä ölinçäň bile ýöresiň geler* (Magtymguly).

**EDEPLILIK**, *at.* Edebi barlyk, tertiplilik, salyhatlylyk, asyllylyk. *Görogly edeplilik edip, el gaýtarman saklandy* ("Görogly").

**EDEPSIZ**, *syp.* Edebi bolmadyk, biedep.

**EDEPSIZLIK**, *at.* Edebi ýokluk, edepli dällik, biedeplik. *Munuň edepsizlik bilen azgyrylyp oturmagy Şirine ýaramady* (B. Pürliýew).

**EDERMEN**, *syp.* Iş başarjaň, batyr, dogumly, gaýratly. *Deňizdir okean hakda gürrüň açylsa, öňi bilen edermen balykçylar göz öňüne gelýär* ("Edebiýat we sungat").

**EDERMENÇILIK**, *ser.* **Edermenlik**.

**EDERMENLERÇE**, *hal.* Batyrlarça, edermenler ýaly.

**EDERMENLIK**, *at.* Batyrlyk, dogumlylyk, gaýratlylyk, edermençilik. *Olaryň edermenligini wasp etmelidir...*("Edebiýat we sungat").

**EDÄHET**, *at.* Gylyk-häsiýet, endik, gylyk, her bir adamyň boluş aýratynlygy. *Olar hemişeki edähetleri boýunça salamlaşdylar, wäşilik edip degişdiler, gülüşdiler* (T. Taganow).

**EDIL**, *hal.* Göýä, tüýs, hakykatdan-da, gös-göni. *Dury suw onuň suratyny edil aýnadaky ýaly görkezdi* (B. Kerbabaýew).

**EDILMEK**, *işl.* **1**. Biri tarapyndan ýerine ýetirilmek, amala aşyrylmak. **2**. Taýýarlanmak, ýasalmak, çykarylmak, öndürilmek. *Sünnälenip edilen gülli keçeler ýazylypdyr* (R. Allanazarow).

**EDIM-GYLYM** [edim-ğylym], *at.* Özüňi alyp baryş, boluş, gylyk-häsiýet. *Olar dillerinde aş gatyklasalar-da, bütin edim-gylymlary iliň däbine-de, edim-gylymyna-da garşy* (B. Kerbabaýew). *Ähli edim-gylymy gelinler, köplenç, gaýyn enelerinden alýarlar*.

**EDINMEK**, *işl.* **1**. Bir gymyldy-hereketi özüň üçin amala aşyrmak. *Bir maşgala ýaly bolup nahar edinýärler* (A.Gowşudow). **2**. Özüň üçin almak, özüň üçin satyn almak. *Ol aýak ulagy bolar ýaly ýeňil maşyn edinmegiň kül-külüne düşdi.*

**EDIŞDIRMEK**, *işl.* Birnäçe işi edip çykmak. *Ol işlerini edişdirip bolup, dem-dynjymy alaýyn diýip, dyzyny epdi.*

**EDIŞMEK**, *işl.* Bir işi etmäge kömek etmek. *Odunyňy-da, suwuňy-da getirip bererler, näme işiň bolsa-da edişerler* (B.Seýtäkow).

**EFGAN** [efğa:n], *at.* Eňreme, aglama, pygan. *Biwepa ýaryň golundan, Köýüp efgana gelmişem* ("Kasym oglan").

**EGBARLAMAK** [eğva:rlamak], *işl., ser.* **Ebgarlamak.**

**EGDI** [eğdi], *at.* Hojalyk işleri üçin ýörite demirden ýasalan egrije keser, pyçajyk.

**EGDIRMEK** [eğdirmek], *işl.* **1**. Bir zady bükdürmek, bir zadyň ujuny aşak gyşartdyrmak, aşak egreltdirmek. *Şahany aşak egdirmek.* **2**. Bükülmäge mejbur etmek. *Başyny egdirmek*.

**EGELE** [eğele], *at, gepl.d.* Mähelle, märeke, üýşmeleň. *Guýy bar weli, daşynyň egelesi ondan has köpräk* (B. Kerbabaýew).

◊ **Egele bolmak** biriniň ýa-da bir zadyň daşyna üýşmek, daşyna tegelenip aýlanmak. *Obanyň gelin-gyzlary onuň daşyna egele bolup durdy* (R. Allanazarow).

**EGELEMEK** [eğelemek], *işl., gepl.d.* Dolmak, doldurmak, eýelemek. *Ol goşa baranda, ýatagy egelän süriniň daşyndan aýlandy* (R.Gelenow).

**EGELENIŞMEK** [eğelenişmek], *işl.* Biriniň ýa-da bir zadyň daşyna üýşüşmek, tegelenişmek. *Onuň daşyna egelenişip başladylar* (B.Kerbabaýew).

**EGELENMEK** [eğelenmek], *işl.* Biriniň ýa-da bir zadyň daşynda egeläp durmak, halkalaýyn aýlanmak. *Sygyrlar guýularyň daşyna egelendiler* (B. Kerbabaýew).

**EGEN** [eğen], *at.* Çatma, küme etmek üçin başy eglip çatylýan uzyn agaçlar, çybyklar. *Egenleri alyp, öň gazyp goýan çukurlaryna gömüşdirdi-de, başyny egişdirip, garşy-garşy biri-birine baglaşdyrdy* (H. Derýaýew).

**EGER** [eğer], *köm. s.* Hereketiň-gymyldynyň belli bir şertli amala aşyrylýandygyny görkezmäge gatnaşýar. *Eger men ony görsem, hökman tanaryn.*

**EGER-EGER** [eğer-eğer], *hal.* Asla, düýbünden, hiç. *Onuň garaşýan adamsy eger-eger gara bermeýärdi* (H. Garabaýew).

**EGIK** [eğik], *syp.* Eglip duran, egilen, bükük.

**EGILDIRMEK** [eğillirmek], *işl.* Eglip durmaga mejbur etmek, bilini epdirmek, büküldirmek. *Ony oturtdy, turuzdy, egildirdi* (B. Kerbabaýew).

**EGILMEK** [eğilmek], *işl.* Eglip durmak, biliňi epmek, bükülmek, epilmek. *Agyr ýüke egilme, egildiňmi – çygylma* (Atalar sözi). *Gyz bir eli bilen tahýasyny tutup, Şüküre tarap egildi* (T. Gurbanow).

◊ **Eglip galmak** *gepl.d.* namaz okamak. *Bäş wagtyna eglip galmak.*

**EGIN** [eğin], *at.* **1**. Goluň göwrä baryp birleşýän ýerinden boýna çenli bolan aralyk, gerden. **2**. Bütin göwre üsti, üst, arka. *Bäşim egnine donuny ýasgynjak atdy* (B. Japarow). **3**. Uly bolmadyk beýiklik, alaň, depe. *Obanyň ilersinde uly egin bar*. **4**. Ýelkeni gerekli ýagdaýda saklamak üçin yk tarapyndan çekdirilýän ýüp.

◊ **Egin deňeşdirmek** bäsleşmek, deňeşmek. **Egni bitin** egin-eşigi ýerbe-ýer, geýim-gejime mätäç däl. **Egni egne berip** deň hatarda durup, zähmetini, kynçylyklary deň çekişip. *Adamlar egni-egne berip zähmet çekýärler*. **Egni gysyk** pukara, keýpsiz. **Egninden basmak** öz ugruna goýbermezlik, ýüküni agraltmak, galyndyrmazlyk. **Egnine kakmak 1**) çalajadan egnine urmak. *Ol meniň egnime kakdy* (B. Gulow). **2**) iki eliň bilen egniniň üstünde eliňi goýup salamlaşmak (aýallar hakynda). *Garry daýza gapydan içerik ätläp, ýeke-ýekeden gelin-gyzlaryň egnine kakyp çykdy.* **Egniň bilen çekmek** *ser.* **Eliň bilen edeniňi egniň bilen çekmek. Egniňde tozsun (ýyrtylsyn)** täze geýimiňi özüň geýip, özüň ýyrt, ýyrtylýança geýmek

nesip etsin! **Egniňden gum sowurmak** şerraýlyk, haýýarlyk etmek, boýun almazlyk. **Egniňi gysmak 1)** bir zada açyk düşünmezlik, haýran galmaklyk, geň galmaklyk ýagdaýyny görkezmek. *Men düşünmän, egnimi gysdym* (H. Ysmaýylow). **2)** çekinjeňlik edip, müzzerilip ýörmek, ýygrylyp gezmek, kibitiňi gysmak. *Bilýän bolsaň, iki jahan owarrasy bolup, egniňi gysyp ýörmezdiň?* (B. Kerbabaýew).

**EGINBAŞ** [eğinmaş], *at.* Geýilýän geýimleriň jemi, geýim-gejim, egin-eşik.

**EGIN-EŞIK** [eğ(i)neşik], *ser.* **Eginbaş**.

**EGINDEŞ** [eğinneş], *at.* **1**. Deň-duş. *Egindeşleriň bilen mylakatly bol* (B. Seýtäkow). **3**. *hal.* Biri-biriniň ýanynda, deňinde, gapdalynda, egnini egnine degrip duran, ýanaşyk. *Onuň bilen egindeş durany tanaýarmyň?* **4**. Synagdan geçen deň derejeli işdeş ýoldaş. *Ýurt baştutany egindeşleri bilen toý dabarasyna gatnaşdy*.

**EGINDEŞLIK** [eğinneşlik], *at.* Egindeş bolmaklyk.

**EGINLEK** [eğinlek], *syp.* Eginleri ýasy, giň eginli. *Olar girenden soň, eginlek, garaýagyzdan daýaw bir görmegeý ýaş ýigit çykdy* (Ç. Aşyr).

**EGINLEŞMEK** [eğinleşmek], *işl.* Egniňi deňläp ýöremek, ýanaşyk ýöremek; ýanaşyk oturmak. *Onuň gapdaly bilen hem Ogulaý eginleşip gelýärdi* (R. Gelenow).

**EGINLIK** [eğinlik], *at.* **1**. Egin-egin, depe-depe bolup duran ýer, depelik. **2**. *zergärç.* Aýal-gyzlaryň eginlerine dakynýan aşagy şelpeli kümüş şaýy. **3**. Gelin-gyzlaryň köýnekleriniň eggniniň içinden berkidilýän galyň mata bölegi ýa-da başga bir zat.

**EGINME-EGIN** [eğinme-eğin], *hal.* **1**. Eginleriň hemmesine, birinem goýman diýen ýaly. *Çoluk bölünen goýunlary gözläp, eginme-egin aýlanyp çykdy.* **2**. Ýanaşyk, deň, bir hatarda. *Nartäç bilen Hoşgeldi eginme-egin ädimleşip ugradylar* (A. Gowşudow).

**EGINÝÜP** [eğinýüp], *at.* Gara öýüň uklaryny biri-birine daňyp berkitmek üçin 10 *sm* inlilikde dokalýan zolak ýüp.

**EGIRME** [eğirme], *iş ady.* Egirmek ýagdaýy.

**EGIRME-DOKMA** [eğirme-dokmo], *syp.* Hem egirýän, hem dokaýan. *Egirme-dokma kärhanasy.*

**EGIRMEK** [eğirmek], *işl.* **1**. Süýümi çarh, ik we ş.m. gurallar arkaly süýüp, tow berip ýüplük, ýüp etmek. *Ýüplük egirmek*. **2**. *göç.m.* Bir ýere, bir zadyň daşyna üýşürmek. *Ol bu wagt päkize stoluň başyna myhmanlaryny egirdi* (B.Soltannyýazow).

◊ **Egreni, dokany** başarýan zady, bileni-biteni, edýän işi (gep-gürrüň hakda). *Onuň egreni, dokany gep-gürrüň.*

**EGIRTDIRMEK** [eğirtdirmek], *işl., ser*. **Egirtmek**. Birine süýümi ikde towlatdyrmak, tow berdirip sapak, eriş etdirmek.

**EGIRTMEK** [eğirtmek], *işl.* **1**. Erişlik, argaçlyk, ýüplük, ýüp etdirmek. *Haly üçin ýüp egirtmek*. **2**. *göç.m.* Bir ýere, bir zadyň daşyna ýygnatmak, toplatmak, üýşürtmek, goýdurmak, oturtmak.

**EGISDIRMEK** [eğissirmek], *işl.* Bir zadyň möçberini, mukdaryny azaltdyrmak, peseltdirmek, kemeltdirmek. *Doly çuwaly egisdirmek.*

**EGISME** [eğisme], *iş ady.* Egismek ýagdaýy.

**EGISMEK** [eğismek], *işl.* **1**. Doly zadyň möçberini, mukdaryny kemeltmek, azaltmak, gowuz etmek. *Bugdaýdan doly çuwaly mazaly egsipdir.* **2**. *göç.m.* Gam-gussany, derdi peseltmek, ýeňletmek. *Gyzlar daga çykalyň, Gülüp, oýnap bökeliň, Derdimiz egismek üçin, Geliň, läle kakalyň!* (Läle).

**EGIŞMEK** [eğişmek], *işl.* **1**. Birine bir zady egmäge kömek etmek. *Erik ýyganymyzda men şahany aşak egişdim.***2**. Birnäçesi başyny egmek. *Hasylyny göterip bilmän, başlaryny aşak egişip duran agaçlara gözüm düşdi*.

**EGLEMEK** [eğlemek], *işl.* Bir işi ýa-da birini bir sebäp bilen birnäçe wagt saklamak, gijikdirmek, güýmemek. *Ol myhmany başardygyndan uzagrak eglemek üçin gürrüňe başlady* (N. Jumaýew).

**EGLENÇ** [eğlenç], *at.* Saklanmaklyk, gijä galmaklyk, gerek bolan wagtyndan köp eglenmeklik.

**EGLENÇSIZ** [eğlenşsiz], *syp.* Saklanmazlyk, gijä galmazlyk, eglenmän. *Ol eglençsiz öýüne geldi.*

**EGLENME** [eğlenme], *iş ady.* Eglenmek ýagdaýy.

**EGLENMEK** [eğlenmek], *işl.* **1**. Bir ýerde bir sebäp bilen mümkin ýa-da gerek bolan wagtdan köp saklanmak, bolmak. *Biz biraz ýolda eglendik.* **2**. *göç.m.* Birnäçe wagt saklanmak, az wagtlyk seredip durmak. *Dem salym göreçler biri-birinde eglendi.*

**EGLIŞIK** [eğlişik], *at.* Ýeňillik berme, biriniň peýdasyna bir zatdan el çekme, kemeltme; ylalaşyk, barlyşyk.– *Näme üçin sen oňa eglişik etjek bolýarsyň? – diýip, sorag berenler-de boldy*. (N. Pomma).

**EGLIŞMEK** [eğlişmek], *işl.* Birnäçe bolup egilmek, bilelikde egilmek. *Ynha ýoluň ugrunda bir topar eglişip, orak orup ýören adamlar* (Ç. Asyrow).

**EGME** [eğme], *iş ady.* **1**. Egmek ýagdaýy. **2**. *zergärç.* Türkmen aýallarynyň börüginiň (topbusynyň) maňlaýyna dakylýan ýasy, ýarym aýlaw görnüşli gyzyl çaýylan kümüş şaýy. *Gün düşende ýalkym salýar maňlaýynyň egmesi, Bir seni gördüm jahanda, sençe ýokdur öňňesi* (Baýly şahyr).

**EGMEK** [eğmek], *işl.* Bir zadyň ujuny aşak gyşartmak, aşak egreltmek. *Agaçlaryň başynda doňan gyrawly buzlar, şahalary barha aşak egýärdiler* (B. Soltannyýazow).

**EGNAŞYR** [eğna:şyr], *hal.* Eginiň üstünden, egniniň üsti bilen. *Yzyna egnaşyr garap seslendi*.

**EGRELIŞMEK** [eğrelişmek], *işl.* Köpçülikleýin egrelmek, bilelikde gyşarmak, büküleşmek. *Gamyşlar ýeliň ugruna egrelişip dur.*

**EGRELME** [eğrelme], *iş ady.* Egrelmek ýagdaýy.

**EGRELMEK** [eğrelmek], *işl.* **1**. Bir gapdala gyşarmak, bükülmek, egri bolmak. *Egrelip duran agaç.* **2**. *göç.m.* Ters ugur bilen gitmek, hakykatdan, dogry ýoldan gyşarmak. *Päli ýaman, betniýetler, egreldiler terse ýöräp* (A. Salyh).

**EGRELTDIRMEK** [eğreltdirmek], *işl.,* ser. **Egreltmek**.

**EGRELTMEK** [eğreltmek], *işl.* Bir tarapa gyşartmak, egri etmek, bükmek. *Galyň gar agaçlaryň inçemik pudaklaryny ýaý ýaly egreldýärdi* (B. Kerbabaýew).

**EGREM** [eğrem], *at.* **1**. Bir zadyň gyşaryp, öwrüm berýän ýeri, aýlanýan egri ýeri, aýlaw, öwrüm. *Ol dor atyny köçäniň egreminden sürüp geldi* (A. Gowşudow). **2**. Tolkunlaýyn egrem-bugram edilip, aýal geýimine salynýan dürli reňkdäki keşde, nagyş.

**EGREM-BUGRAM** [eğrem-muğrom], *syp.* Egrelip gidýän, göni däl, egri-bugry. *Egrem-bugram ýol.*

**EGREM-EGREM** [eğrem-eğrem], *ser.* **Egrem-bugram**. *Indi olar beýik dagyň egrem-egrem jülgesi bilen dogry günorta baka ýöreýärdiler* (A. Gowşudow).

**EGREMÇE** [eğremçe], *syp., göç.m., zergärç.* Dar halka, ýüzük. *Derdim köpdür, derman goluma düşmez, Öter egremçeden bili gürjiniň* ("Saýatly – Hemra").

**EGRI** [eğri], *syp.* **1**. Göni däl, ýaý berip duran, bir gapdala egrelip duran, gyşyk. *Egri agaçýarsgynyna gider* (Nakyl). **2**. *göç.m.* Özüni gowy alyp barmaýan, ters hereket edýän. *Egri kişileriň egridir ýoly, Ede bilmez beglik, dagadar ili* (Seýdi).

◊ **Egri oturyp**, **dogry gepleşmek** ýüz görmän, hakykaty aýtmak, bolşuny bolşy ýaly aýtmak.

**EGRIJE** [eğrije] **I**, *at.* Gaýma bilen salynýan üçburçluk nagyş.

**EGRIJE** [eğrije] **II**, *at.* Inçe baldakly, derman üçin ulanylýan ot. *Egrije iýen är ölmez* (Nakyl).

**EGRIJI** [eğriji], *at.* Ýüňi, ýüplügi egirýän adam. *Baýramçylyk lybasyny geýnen egrijileriň ählisiniň keýpi diýseň kökdi.*

**EGRILIK** [eğrilik], *at.* **1**. Göni dällik, dogry dällik. **2**. *göç.m.* Ak ýürekli dällik, gara ýüreklilik.

◊ **Egrilik etmek** nädogry ýola düşmek, egrilige baş goşmak.

**EGRILIŞMEK** [eğrilişmek], *işl.* Bir ýere, bir zadyň daşyna ýygnanyşmak, toplanyşmak, üýşüşmek (birnäçe adam hakynda). *Oglanlar onuň daşyna egrilişdiler* (A. Esenmyradow).

**EGRILMEK** [eğrilmek], *işl.* Tow berlip sapak edilmek. *Kärhanada ýüpek egrilýär we ýüpek matalar dokalýar.* **2**. Bir ýere, bir zadyň daşyna ýygnanmak, toplanmak, üýşmek, daşyny almak. *Otagçylar ol gyzyň daşyna egrildiler* (A. Durdyýew).

**EGRIM** [eğrim], *at.* **1**. *kön.s.* Girdap. **2**. Egriliş derejesi. *Joraplyk ýüpüň egrimi ýetmändir, bolmalysyndan gaty ýumşak gelýär*.

**EGRINMEK** [eğrinmek], *işl.* Özüň üçin egirmek. *Bir halylyk ýüp egrindim.*

**EGRIŞDIRMEK** [eğrişdirmek], *işl.* Ählisini egirmek, bir ýanyndan egrip çykmak. *Pişgeleri egrişdirmek.*

**EGRIŞMEK** [eğrişmek], *işl.* **1**. Egirmäge kömekleşmek, kömek bermek. *Gyzy ejesine ýüň egrişdi.* **2**. Köpçülik bolup egirmek, bilelikde egirmek. *Aýallar ellerindäki pişgelerini ussatlyk bilen süýüp, ýüň egrişip otyrdylar.*

**EGSER** [eğser], *at, kön.s.* Aglaba, köplenç, hemişe. *Onuň yhlasyna köýermen egser* ("Zöhre – Tahyr").

**EGSIK** [eğsik], *syp.* **1**. Bolmalysyndan az, bolmaly möçberinden kem, doly däl. **2**. *göç.m.* Özüňçe ýok, kem, pes. *Özüňden egsik bir gaýry namardyň, Hyzmatynda gulluk ediji bolma* (Magtymguly). *Eşek özün egsik saýmaz bedewden, Gymmat etseň, at ýanynda bellidir* (Magtymguly).

◊ **Egsigine dogmak** aý otuzuna däl-de, ýigrimi dokuzy diýlende dogmak. **Itden egsik bolmak** il ýanynda itçe bolmazlyk, itçe görülmezlik.

**EGSIKLIK** [eğsiklik], *at.* **1**. Doly dällik, kemlik. *Çuwalyň egsikliginiň aýby ýok.* **2**. Kem, pes halda bolmaklyk, artyk dällik.

**EGSILME** [eğsilme], *iş ady.* Egsilmek ýagdaýy.

**EGSILMEK** [eğsilmek], *işl.* **1**. Möçberi azalmak, kemelmek, egsik bolmak, gowzamak. *Çuwaldaky bugdaý egsilipdi.* **2**. Ýüki ýeňlemek. *Ýüregindäkini dosty bilen deň paýlaşandan soň, aladasy egsilen ýaly boldy.*

**EGSILMEKLIK** [eğsilmeklik], *iş ady.* Egsilmek ýagdaýy.

**EGSILMEZ** [eğsilmez], *syp.* Tükeniksiz, örän köp. *Halk döredijiligi egsilmez hazynadyr*.

**EGŞEME** [eğşeme], *iş ady.* Egşemek ýagdaýy.

**EGŞEMEK** [eğşemek], *işl.* Gamaşmak, turşamak (asmanyň, adamyň ýüzi hakynda). *Asmanyň ýüzi egşäp durdy, ýagyn ýagarlydy. Onuň ýüzi egşäp durdy.*

**EGŞEMEKLIK** [eğşemeklik], *iş ady.* Egşemek ýagdaýy.

**EGŞITMEK** [eğşitmek], *işl.* Gaşyňy çytyp, ýüzüňi turşadyp, gaharly görünmek, gaharly görnüşe girmek. *Onýança Abdyl işan çylgymly gözlerini töweregindäkilere aýlap, ýüzüni egşitdi* (Ý. Mämmediýew).

**EH**, *üml.* Bir zat hakynda ökünmegi, bir zada haýran galmaklyk duýgusyny aňladýan söz. *Eh, içigara, unudaýypdyryn!*

**EHE**, *üml.* Gürrüňi edilende ýa-da geň görlende içki duýgynyň ýüze çykmagyny aňladýan söz. *Ehe, sen eýýäm geldiňmi?*

**EJAP** [eja:p], *at.* Utanmaklyk duýgusy, utanç, uýat, haýa. *Gyzlyk ejaby arkaýyn gabak galdyrmaga, siňe seretmäge maý bermändi.*(G. Kulyýew).

◊ **Ejap etmek** birinden ýa-da bir zatdan utanmak, çekinjeňlik etmek. *Ejap etdi, ýylgyrdy, Jogap bermän sözüme* (B. Kerbabaýew).

**EJAPLY** [eja:ply], *syp.* Ejaby bolan, utançly, haýaly, çekinjeň.

**EJAZA** [eja:za], *at,k.d.* **1**. Bir iş etmeklige berlen ygtyýar, rugsat. **2.** Görkezilen ýerlere barmaga hukuk berýän resminama.

**EJAZAT** [eja:zat], *k.d.*, *ser.***Ejaza**. *Ejazat berseňiz şahym, Tomaşa eýlesem sähra* (Andalyp).

**EJDAD** [ejda:d], *at, k.d. ser.* **Eždat.**

**EJE**, *at.* **1**. Çagany dogran aýal, çaganyň enesi; ene. *Çaga-da eje diýip aglar, uly-da* (Nakyl). **2**. Ýaşy bir çene baran aýala hormat bilen onuň adynyň soňundan getirilip aýdylýan söz. *Ýaňy Bossan eje diýilýän tebip geldi.* **3**. *gepl.d.* Kakaň aýal doganynyň (jigisiniň) adynyň yzyndan getirilýän söz. *Abadan eje.*

◊ **Ejem ogly** özüni oňarmaýan, elinden iş gelmeýän, nalajedeýin, lellim oglan.

**EJEKE**, *at,gepl.d.* Özüňden uly aýal dogan.

**EJELEME**, *iş ady.* Ejelemek ýagdaýy.

**EJELEMEK**, *işl.* **1**. Köp ýalbarmak, birsyhly ýalbaryp haýyş etmek. *Ejeläp duransoň, kartdan birini çekdim* (R.Gelenow). *Sebäbi Mälik ejelese, Senemiň oturmajagyna beletdi* (R. Gelenow).

**EJELETMEK**, *işl.* Köp ýalbartmak, birsyhly haýyş bilen ýalbartmak.

**EJELIK**, *at.* Çaganyň öweý ejesi.

**EJIK**, *at.* Kökünden derman taýýarlanýan ýasy ýaprakly dik ösýän dag ösümligi.

◊ **Ejik ýaly** semiz, eti-gany ýerinde (ýüz hakda). *Onuň ejik ýaly ýüzi bar, aladasy bara meňzänok.*

**EJIR**, *at.* Ahlak, ruhy we ş.m. taýdan çekilýän, görülýän horluk, jebir, azap, jepa, sütem.

◊ **Ejir çekmek** horlukda ýaşamak, hor bolmak, horluk, kynçylyk çekmek.

**EJIRLI**, *syp.* Ejiri, jebri köp bolan, jepaly, azaply, kynçylykly, sütemli. *Hawa, biziň ýaşlygymyz ejirli günlere gabat geldi* ("Edebiýat we sungat").

**EJIRSIZ**, *syp.* Hiç bir jebir-jepasy bolmadyk, azapsyz, sütemsiz.

**EJIZ** [eji:z], *syp.* **1**. Güýç-kuwwatdan aýrylan, güýçden düşen, güýçsüz, ysgynsyz. *Ejiz garry.* **2**. *göç.m.* Asgyn, gowşak, pes. *Hemme zada göz ýetirerden onuň akyl-paýhasy ejiz gelýärdi.* **3**. *göç.m.* Hor-homsy, garyp, pukara. **4**. *göç.m.* Naçar aýal. *Bir ejiz men, kim eşider bu dadym?* ("Zöhre – Tahyr").

◊ **Ejize ganym** daş ýürek, rehimsiz.

**EJIZLEME** [eji:zleme], *iş ady.* Ejizlemek ýagdaýy.

**EJIZLEMEK** [eji:zlemek], *işl.* **1**. Güýçden-kuwwatdan düşmek, güýçsüz, ysgynsyz bolmak. *Ol gün-günden ejizläp barýardy.* **2.** Asgynlamak, gowşamak, pese düşmek. *Kynçylygyň öňünde ejizleme.*

**EJIZLETMEK** [eji:zletmek], *işl.* **1**. Güýçden, gurpdan düşürmek, güýç-kuwwatyny azaltmak, ysgynsyz etmek, güýçsüz etmek. *Gamçy yzlary Myrady ejizletdi* (B. Seýtäkow). **2**. *göç.m.* Pese düşürmek, asgynlatmak, gowşatmak. *Aýdylýan sözler ony ýuwaş-ýuwaşdan ejizledip başlady.*

**EJIZLIK** [eji:zlik], *at.* **1**. Güýçsüzlik, kuwwatsyzlyk. *Ýigide ejizlik gelişmez*. **2**. *göç.m.* Asgynlyk, gowşaklyk. *Kynçylyk ýok, ejizlik bar dünýäde* (G. Ezizow).

**EŽDAT** [ežda:t], *at.* Ata-babalar.

**EKABYR** [eka:vyr], *syp.* Ýaş taýdan ulurak, özüni oňaryp ugran, daýawrak (oglan hakda). *Inim, biz atadan bäş dogandyk, iň ekabyram özümdim* ("Edebiýat we sungat").

**EKABYRLANMAK** [eka:vyrlanmak], *işl.* Oglanlykdan saýlanyp, ulalyp ugramak, dogumlanmak.

**EKABYRLYK** [eka:vyrlyk], *at.* Ekabyr bolmaklyk.

**EKABYRRAK** [eka:vyrra:k], *at.* Birneme, azdakände ekabyr. *Başga bir gezek okuwçylaryň ekabyrragy: – Anna kaka, bize diňe goşmagy öwredýärsiň-laý! Aýyrmagy öwretjek dälmi?* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Älem içre at gezer", 16 s.).

**EKABYRSYRAMAK** [eka:vyrsyramak], *işl.* Ekabyr bolan bolmak, özüňi dogumly görkezjek bolmak. *Ol oglanlaryň içinde ekabyrsyrap, öňe düşdi.*

**EKDI**, *syp.* Eldeki edilen, ele öwrenişdirilen, adamlaryň elinde bolmaga endik etdirilen. *Ekdi keýik.*

**EKDILEŞDIRMEK**, *işl.* Ekdi edip ugramak, ekdi edip öwrenişdirmek. *Guşlary ekdileşdirmek.*

**EKDILEŞMEK**, *işl.*Ekdi bolup başlamak, ele, öýe öwrenişip başlamak.

**EKDILIK**, *at.* Ekdi halynda bolmaklyk, ekdi ýagdaýda bolmaklyk.

**EKDIRMEK**, *işl.* Ekmek işini başga birine etdirmek. *Mekdebiň töweregine agaç ekdirdik.*

**EKE**, *at., gepl. d.* **1**. Özüňden uly aýal doganyňa we kakaň aýal doganyna bolan taryndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz. **2**. Adam ady.

**EKEJI**, *at.* **1**. Gelniň adamsynyň uly aýal doganyna bolan taryndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz.

◊ **Gaýyn ekeji** gelniň adamsynyň uly aýal dogany.

**EKEJILI**, *syp.* Ekejisi bar bolan, ekejisi bolan. *Ekejili bir gelin şeýle düzgüni arzuw etdi* (B. Kerbabaýew).

**EKEN**, *kem işl.* Beýan edilýän pikiriň, wakanyň sözleýjä diňe sözlenýän pursatda belli bolýandygyny aňladýar. *Iki sany dogany bar eken* (Erteki).

**EKENI**, *kem işl.*, *ser.* **Eken**. *Bazary öňki görelim bäri, ýagdaý üýtgän ekeni* (H. Derýaýew).

**EKERANÇY** [ekera:nçy], *at.* Oba hojalyk ekinlerini ekmek bilen meşgullanýan adam, ekerançylykda işleýän adam.

**EKERANÇYLYK** [ekera:nçylyk], *at.* **1**. Oba hojalyk ekinleri, şonuň ýaly-da şol ekinler ekilen ýer. **2**. Oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmek üçin ýeri bejerip, ýer işleri bilen meşgul bolmaklyk. *Ekerançylygy ösdürmek.* **3**. Oba hojalygyň ekinleri ösdürip ýetişdirmek bilen meşgullanýan pudagy.

**EKERNE** [ekerne], *hal.* Hasylyň belli bir möçberini ýer eýesine bermek şerti bilen ekin ekmegiň bir görnüşi, kärende. *Daýhan bulary ekerne alýar* (G.Kulyýew).

**EKEDI-NOKADY** [ekedi-nokody]: **ekedi-nokady bilen** jikme-jik, jikme-jikligine. *Ol maňa bolan wakany ekedi-nokady bilen gürrüň berdi*.

**EKEZLENDIRMEK** [erkezlennirmek], *işl.* Ekezlener ýaly etmek, ekezlenmek derejesine ýetirmek, ekezlenmäge mejbur etmek. *Ol igençler meni ekezlendirdi* ("Edebiýat we sungat").

**EKEZLENME**, *iş ady.* Ekezlenmek ýagdaýy.

**EKEZLENMEK**, *işl.* **1**. Birneme dogumlanmak, özüňi tijemek, tijenmek. *Birneme ekezlendim.* **2**. *göç.m.* Güýçlenmek, möwç almak, batlanmak.

**EKIBERMEK** [ekivermek], *işl.* Ekip başlamak, ekip ugramak.

**EKILMEK**, *işl.*Ýere tohum sepilmek, agaç oturdylmak. *Ekilende ekmedik, orlanda aglar* (Nakyl).

◊ **Ekilen ýaly** bir ýerden aýrylmazlyk, bir ýerde köp görünmeklik. *Şol ikisiniň haçan görseň atlary gara tagtaň ýüzünde ekilen ýaly* (A. Durdyýew). **Ekilmedik ýerde gögermek 1)** barmasyz ýere barmak, oturjak-turjak ýeriňi seljermezlik. *Hemişe ekilmedik ýerde gögerip ýör.* **2)** ara goşulmak, ýuwnuksyzlyk etmek. *Seniň ýaly oglan ekilmedik ýerde gögermez, gürrüňe diň salar* (B. Kerbabaýew).

**EKIN**, *at.* Ekilip hasyly ýygnalýan medeni ösümlikler. *Ekin ekmek.*

**EKIN-DIKIN** [ekin-nikin], *at, gepl.d.* Ekilip hasyly ýygnalýan ekinler.

**EKINÇI**, *at.* **1**. Ekin ekmek bilen meşgullanýan, ekin ekýän adam, daýhan. **2**. *göç.m.* Ekine düşýän (mal). *Ekinçi mal.*

**EKINÇILIK**, *at.* **1**. Oba hojalygynyň ekin ekmek bilen meşgullanýan pudagy. **2**. Ekin ekilen ýer. *Ekinçiligiň içi bilen gitdik.*

**EKINLIK**, *at.* Köp ekin ekilen ýer, giden ekin bolup ýatan meýdan.

**EKINMEK**, *işl.* Özüň üçin ekmek. *Mellegimize bir azrak pomidor ekindik.*

**EKINZARLYK** [ekinza:rlyk], *at.* **1**. Ekinçilik. **2**.Ekin ekilen meýdan.

**EKIŞ**, *iş ady.* **1**. Ekmek ýagdaýy. **2**. *at.* Ekin ekmek işleri. *Galla ekişi.*

**EKIŞDIRMEK**, *işl.* Ekip çykmak, hemmesini ekmek. *Kärendeçiler ekmeli ekinleri ekişdirip boldular.*

**EKIŞMEK**, *işl.***1**. Ekin ekmäge kömekleşmek. **2**. Bilelikde ekmek. *Gawun-garpyz ekişip ýörler eken.*

**EKIZ**, *syp.* Bir wagtyň özünde bir eneden dogan iki çaga.

**EKIZEK**, *at.* Ekiz taýy, ekizleriň biri.

**EKJEŞMEK**, *işl., gepl. d.* Tersleşmek, sene-mene edişmek. *Seň bilen ekjeşmek hajat däl maňa!* (N. Pomma).

**EKLEME**, *iş ady.* Eklemek ýagdaýy.

**EKLEMEK**, *işl.* Öz gazanjyň bilen birini iýdirip-geýdirmek, ösdürip ýetişdirmek. *Ekläniň gadryny, saklaňda bilersiň* (Nakyl). *Idedeniňiz we ekläniňiz üçin men janym bilen minnetdar* (H. Ysmaýylow).

**EKLENÇ**, *at.* Eklenmek üçin gerek bolan serişde, ýaşamak üçin zerur zat. *Neressäniň eklenç düşdi başyna* (A. Kekilow).

◊ **Eklenjiň gözüni görmek** ýaşaýşyň ýeňil, amatly tärini tapmak, aňsat düşewüntli ýere duşmak. *Sen eklenjiň gözüni görüpsiň.*

**EKLENMEK**, *işl.* Öz güzeranyňy özüň görmek, öz günüň özüňden geçmek, öz zähmetiňe düşýän hak bilen oňmak. *Ergeneksiz eklenen, terbiýesiz saklanan* (Nakyl).

**EKLEŞMEK**, *işl.* **1**. Birine eklemäge kömek etmek, ekläp-saklaşmak. **2**. Bilelikde eklemek.

**EKLETDIRMEK**, *işl.*, *ser*. **Ekletmek**.

**EKLETMEK**, *işl.* Birini biriniň hasabyna ýaşatmak, ekläp-saklatdyrmak.

**EKLEÝJI**, *at.* Ekläp-saklaýan, eklenç edýän adam.

**EKME**, **1**. *iş ady.* Ekmek ýagdaýy. **2**. *syp.* Ekilip ösdürilýän, ekilip hasyl alynýan. *Ekme kömelek.*

**EKMEK**, *işl.* **1**. Gögerdip hasyl almak üçin ýere tohum sepmek, şitil, agaç oturtmak. **2**. *gepl.d., göç.m.* Döwmek, kül-uşak etmek. *Seresap bol, birden eliňdäki çäýnegi ekäýme!* **3**. Çöregiň bir görnüşi, çelpek. *Ekmek ýapdym, derledim* (Halk döredijiliginden).

◊ **Ekeniňi ormak** eden işiňe görä netijesini görmek; öz guran hiläňe özüň çolaşmak, gazan çukuryňa özüň düşmek. *Indi her näçe şerraýlyk etseňem, ekeniňi ormaly bolarsyň!* (B. Öwezow).

**EKOLOGIÝA** [ekalo:ğiýa], at. Biologiýanyň haýwanlaryň, ösümlikleriň, mikroorganizmleriň öz aralaryndaky hem-de daşky gurşaw bilen gatnaşygyny öwrenýän bölümi. *Hazaryň ekologiýa taýdan arassa kenarynda "Awaza" milli syýahatçylyk zolagyny özleşdirmek güýçli depginler bilen alnyp barylýar* ("Türkmenistan").

**EKRAM** [ekira:m], *at, kön.s.* Hezzet, hormat, sylag. *Edebinde, ekramynda bellidir* (Magtymguly).

**EKRAMLY** [ekira:mly], *syp*. Edepli, terbiýeli.

**EKSKAWATOR** [ekiskava:tyr], *at*. Ullakan susagy bilen ýer gazyp gum, daş we ş.m. alýan we alan zadyny başga bir ulaga ýükleýän maşyn.

**EKSKAWATORÇY** [ekiskava:tyrçy], *at*. Ekskawatory işledýän işgär.

**EKSPEDISIÝA** [ekspedi:siýa], *at*. Bir topar adamyň ýörite tabşyryk bilen gidýän iş sapary. *Geologiýa ekspedisiýasy*. *Arheologiýa ekspedisiýasy*.

**EKSPERT** [e:kspert]**,** *at.* Çözgüdi ýörite bilimleri talap edýän meseleleri çözmek üçin ylym, tehnika, sungat we beýleki ugurlardan hünärmen, bilermen.

**EKSPORT** [e:ksport], *at.* **1.** Ýurduň daşyna harytlary, maýalary we tehnologiýalary çykarmaklyk. *Eksporta gidýän haryt.* **2.** *Eksport* sözüniň soňuna *etmek* kömekçi işligi goşulyp, "eksporty amala aşyrmak" manyly *eksport etmek* düzümli işligi ýasalýar. *Agaç eksport etmek. Pagtany eksport etmek.*

**EKWATOR** [ekva:tor], *at, geogr.* Ýeriň aýlanyş okuna perpendikulýar bolan uly tegelegiň çyzygy (ol Ýeriň polýuslaryndan deň aralykda ýerleşýär).

**EL I**, *at.* **1**. Adamyň goşaryndan barmaklarynyň ujuna çenli aralyk. *El eli ýuwar, iki el birigip – ýüzi* (Nakyl). **2**. Adamyň iki egninden aşak sallanyp duran beden agzasy, gol. **3**. *hal*. Biriniň garamagynda, tabynlygynda. *Ol Aman aganyň elinde işleýärmi?*

◊ **El alyşdyrmak** ýaraşdyrmak, barlyşdyrmak. **2)** nikadan soň öýlenen ýigit bilen gelni elleşdirmek, ellerini biri-birine berdirmek. **El alyşmak** elleşip görüşmek, biri beýleki adamyň elinden tutup salamlaşmak. **El berişmek** iki tarapyň hem bir zada bolan razyçylygyny görkezýän hereket, biri-biriniň elini tutmak, elleşmek. *Olaryň el berşenini sen hem gör.* **El bermek 1)** kömek, goldaw bermek, arkalaşmak. *Agyr günde diňe hakyky dost el bermegi başarýar.* **2)** bir zada razy bolmaklyk hereketini etmek, elleşmek. **El bermezlik** baş bermezlik, guýruk tutdurmazlyk, eýgertmezlik. *Owal adamdan gaçma, gaçsaň asla el berme* (Mollanepes). **El bulamak 1)** eliňi hereketlendirip, bir zat etmekligi duýdurmak, çagyrmak. *Ýuka ýüpek köýnekli gyzyň el bulaýany göründi* (B.Kerbabaýew). **2)** bir işe gatyşmak, goşulmak. *Men bu işe el bulamak islemeýärin*. **El çarpmak** razyçylygyň, makullamagyň alamaty hökmünde eliň aýasyny biri-birine urup ses çykartmak. *Ol her gezek perde düşende, öz aýaly bilen birlikde guwançly el çarpdy* (N. Saryhanow). **Elde däl** her kimiň özüne bagly däl. *Birine kömek etmeli bolsa, saňa kömek etmeli, ýöne seniň işiňi bitirmek elimde däl.* **El degirmek** *ser.* **El urmak 2**. *Hany şoňa eliňi degreniňi bir göreýin!* **El degirmeni ýaly** elmydama taýyn, ýeňil gopýan, ýetişikli. *Ol el degirmeni diýilýän maşgalady.* **El degmek** *ser.* **El garmak 1**. *"Holha gyzyna el degen Bekmyrat baý" diýip, ýeňsämden görkezerler* (H. Derýaýew). **El degmezlik** boş wagt bolmazlyk, işiň köp bolmaklyk. *Meniň keýpimem ýok, elimem degjek däl* (B. Seýtäkow). **Elden alyp**, **etege salmak** gowulyk taýdan dile düşmek; gowy görmek, söýmek. *Uly il meni elden alyp, etege saldy* (H. Derýaýew). **Elden bermezlik** sypaýçylygy saklamak. *Ol sypaýçylygy elden bermedi* (B.Seýtäkow). **Elden çykmak 1)** arany açmak, daşlaşmak, ýok bolmak. **2)** bir zady etmek, çykarmak, ýasamak, bejermek. *Biziň elimizden çykan zadyň ýaramazy bolmaz*. **Elden geçirmek** ýeke-ýekeden barlap görmek, saýlamak. *Baganany bir baş elden geçirip, onuň ýokary hilden kabul edilmegini gazandylar.* **Elden gelmek** bir zady başarmak, oňaryp bilmek. *Gamgyny göreňde, güler ýüz bergil, Elden gelse, oňa tagam-duz bergil* (Magtymguly). **Elden gidermek** goldan çykarmak, mümkinçiligi elden bermek, bir zady wagtynda peýdalanyp bilmezlik. **Elden gutulmak** boşamak, sypmak, çykmak, dynmak, halas bolmak. **Elden ele geçmek 1)** biriniň eýeçiliginden ikinji biriniň eýeçiligine, ygtyýaryna, garamagyna geçip, çalşyp durmak. *Atamyz pahyr: "Gazaply söweş bolýardy, şäher elden-ele geçýärdi" diýip gürrüň berdi.* **2)** bir adamdan ikinji bir adama geçmek, ýaýramak, elden düşmezlik. *Ol elden-ele geçip, daş ýüzüniň nagyşlary ýitip giden kitaby eline aldy* (A. Gowşudow). **Elde saklamak** birini ýa-da bir zady öz ygtyýaryňda saklamak, öz erkiňe boýun egdirmek. *Ony elde saklamak gerek.* **Elde zat ýok** adama bagly däl, eliňde däl. *Nähili ýagdaýa uçrasaň-da, hudaýa şükür etmeli, elde zat ýokdur*. **Ele almak 1)** bir hünäri, käri, tilsimi öwrenmek, bilmek, özleşdirmek. *Her kim bir hünäri ele almaly.* **2)** öz erkiňe boýun egdirmek, öz diýeniňi etdirmek. **Ele alyp, etege salar ýaly etmezlik** birini çökder ýamanlamak. **Ele bakmak** (**seretmek**) bir işi bitirtmek haýyş edilende, şol ýumşy bitirmek üçin pul tamasyny etmek, pul, zat bermegini islemek. *Birnäçesine işiň düşse, näme etjek, olar ýalylar hemişe eliňe bakýar-da!?* **Ele düşmek 1)** ýesir alynmak. **2)** tutulmak, üsti açylmak, syry bilinmek. *Sen, keýgim, indi bary bir ele düşdüň* (B. Kerbabaýew). **El-ele bermek** biri-biriňe kömek bermek, arkalaşmak, agzybirlik bilen hereket etmek. **Ele geçirmek** *ser.* **Ele salmak 1)**. **Ele ilmek** *ser.* **Ele düşmek**. *Ol ele ilmän, tussaga düşmän ýeserlik bilen sypdy*. **El egrisi özüňe** öz peýdaňy bilmek, özüme bolsun diýmek; diňe öz bähbidiňi aramak. **Ele öwretmek** özüňe öwrenişdirmek, ekdi etmek. *Olar guzyny ele öwredipdirler*. **Ele seretmek** hantama bolmak, tamakin bolmak. *Uly iliň*

*hany bolup, öz eliňe seredip oturan pukara iliňi weýran etdirip ýörmegiň näme?* **Ele salmak 1)** öz ygtyýaryňa geçirmek, tapyp almak. *Emma Gyraty nähili edip ele salmaly?!* ("Görogly"). **2)** öz erkiňe boýun egdirmek. **3)** tapmak, tutmak. *Biz ony haçan-da bolsa ele salarys!* (N.Pomma). **El galdyrmak 1)** doga, töwwir edilýärkä, elleriňi birleşdirip, ýüzüňe sylmak; aýat-töwwir okamak, degsin etmek. **2)** *ser.* **El götermek 1**, **2**, **3**, **4**, **5**. **El garmak 1)** aýal maşgalany masgaralamak, namysyna degmek, zorlamak. **2)** el urmak, ogurlyk etmek, eli egrilik etmek. *Agasynyň malyna el garyp, bäş-alty goýny iýdi* ("Görogly"). **El gatmak 1)** *ser.* **El garmak 1**. *Bir wagt onuň maşgalasyndan birine biri el gatan bolara çemeli* (B. Kerbabaýew). **2)** tanyşlyk açmak, garyndaşlyk açmak. **El gaýtarmak** gaýtawul bermek. **El görkezmek** para-peşgeş bermek, berim bermek. **El (ýüz) gören** ozal bir gezek durmuşa çykan *(garşylykly manyly durnukly söz*: **Telpegi agan**). **El götermek 1)** bir zatdan dänmek, araňy açmak, saklanmak, daşlaşmak; bir zada gaýdyp ýanaşmazlyk, umyt üzmek, el çekmek, ara açmak, terk etmek. *Köp çekdim jepany, jebriňi, dilber, El göterdim indi islemen seni* (Zelili). *Ol bu pikirinden el göterdi.* **2)** urmak, ýençmek, jeza bermek. *Özüňden ula el götermek aýyp zatdyr.* **3)** birini ýa-da bir zady saklamak, duruzmak, birine bir zady aýtmak üçin goluňy ýokaryk galdyrmak. **4)** biriniň buýrugy boýunça eliňi ýokaryk galdyrmak. *Eliňi göter.* **5)** öz razyçylygyňy bildirip ses bermek. **El haky** biriniň eden işi üçin berilýän muzd. **Eli açyk** jomart, sahy, gysganmazak. *Sen ýedi yklymy aýlanyp çyksaňam, Şabibi ýaly sahy, eli açyk gelin tapmarsyň* (T. Taganow). **Eli agyr 1)** bir işi oňaýsyz, ebeteýsiz ýerine ýetirýän. **2)** ýumruk urgusy güýçli bolan, uran wagty gaty agyrdýan. **Eli agzyna ýetmek** özüni dürsemek, gurplanyp başlamak, eli galňamak, oňňudy gowulanmak. *Eli agzyna ýetse, baýtalçasyny satyp, bir alaşa almagyň arzuwynda* (B. Kerbabaýew). *Elimiz agzymyza ýetse, bir kiçiräk üýşmeleň edäýsek diýýäs*. **Eli arassa** ogurlyk etmeýän, öz hakyna razy. **Eli bar** biriniň, kesekiniň gatnaşygy, täsiri bar bolmak. *Meniň göwnüme, bu ýerde başga biriniň, has tejribeliräk adamyň eli bar* ("Edebiýat we sungat"). **Eli barmazlyk** bir işi etmäge höwessiz bolmak, edip bilmezlik, başarmazlyk. *Dogrymy aýtsam, bu işe meniň-ä elim barjak däl!* **Eli boş gelmek (gitmek) 1)** bir ýere sowgatsyz gelmek (gitmek). *Men olaryň çakylygyna eli boş gidip biljek däl.* **2)** iş başarman boş gelmek (gitmek). **Eli boş(luk)** öz ygtyýarly, öz erkiňde bolmak, näme edeýin diýseň, edip bilmeklik, etjegiňi edip bilmeklik. – *Eliň boş, näme gerek bolsa, erk özüňde – diýdi* ("Görogly"). **2)** işlemän, hiç zat bilen meşgullanman boş, işsiz oturmaklyk. *Siz bilen samahyllaşyp durmaga-da eli boşluk gerek.* **Eli egrelmek** ogurlyk bilen meşgullanyp ugramak. **Eli egri** ogurlyk edýän, ogry. **Eli egrilik** kişi zadyna göz gyzdyrmaklyk, gözüňi dikmeklik, ogrulyk. **Eli galam tutmak** hat ýazyp, okap bilmek, sowatly bolmak. *Näme, seniň eliň galam tutanokmy? Hat ýazaýsaň bolmadymy!* **Eli galmazlyk 1)** biriniň bedenine şikes ýetirmezlik, dözmezlik. *Oňa elim galmady.* **2)** ters, bolmaz iş etmezlik. *Iliň zadyna elim galmaýar.* **3)** bir işi etmekden saklanmaklyk. *Şondan soň elim işe galmady.* **Eli gelşip durmak** iş etmäge ukyply bolmak. *Ol haýsy işiň gyrasyndan barsa, eli gelşip durandyr*. **Eli gysga (ýuka)** ýykma-ýykylma ýaşaýan, zordan gün-güzeranyny dolaýan, garyp. *Ýetimiň ýeňi gysgamyka diýsem, eli gysga ekeni* (Nakyl). **Eli haýyrly** söwdalaşýan adamyň halalhor, arassa adamdygyna seredilýär, adatça, şeýle adamlar bilen söwda etseň, özüňe-de haýyrly bolar diýlip düşünilýär. *Eli haýyrly adam*. **Elim ýagşylyga**! biriniň bedeniniň bir ýerindäki ýaramaz zat, kesel, ýetmez öz bedeniň şol ýerine eliň uzadylyp görkezilende aýdylýar. **Elinden azar getiren** eli bilen ýaramaz bir zat eden adama aýallar tarapyndan aýdylýan gargyş sözi. **Elinden çekmek** kimdir birini halas etmek, beladan gutarmak; kömek etmek, ýaran bolmak. **Elinden dür dökülýär** ýapyşan, çemeleşen işini başarýan, çeper hünärli, başarnykly. **Elinden çekilen ýaly bolmak** çalt sagalyp gitmek. **Eline-aýagyna bakmazlyk (seretmezlik)** öz raýyna goýbermezlik, gününe goýmazlyk. **Eline düşmek** bir zady edinmek, ele salmak. *Ýaňky kitabyň eline düşenine şu ýyl kyrk ýyl bolýar* (N. Saryhanow). **Eline galmak** biriniň elinde ýaşamaly bolmak, erk-ygtyýaryň şonuň eline geçmek. *Onuň eline galsaň, siltän ýeri köp bolar.* **Eline kakmak** birine ters, ýaramaz iş etdirmezlik, duýduryş bermek. *Ol gaty gidýär, eline kakmak gerek*. **Elini-aýagyny baglamak** päsgel bermek, öz ygtyýaryna goýbermezlik, diýeniňden çykarmazlyk. **Elini halallatmak** sünnetletmek. *Oglumyzyň elini halallatdyk*. **Elini ölläp daňan ýaly** gowşak daňy. **Elini urmazlyk** elini degirmezlik. *Ol hamyra elini uran aýal däldi*. **Eliň aýasy ýaly** tekiz, düz. *Gara ýollar edil eliň aýasy ýalydy*. **Eliň aýasynda saklamak** gowy görmek, raýyny ýykmazlyk, göwnüne degmezlik. *Şunuň ýaly ärim bolsa, men elimiň aýasynda saklaryn* (A.Durdyýew). **Eliň barmazlyk** bir işi edip bilmezlik, başarmazlyk, dözmezlik, dözmezçilik etmeklik. *Dogrymy aýtsam, bu işe meniň-ä elim barjak däl!* **Eliň bilen edeniňi egniň bilen çekmek** öz eden ýaramaz işiňe özüň jogap bermek. **Eliň boşamak** edýän işiňi gutarmak. *Elim boşan dessine, size baryp gaýdaryn*. **Eliň çykmak 1)** eliň bogny ýazmak. *Ýykylanda, onuň eli çykypdyr.* **2)** bir işi etmek endigiňi unutmak, ukybyň kemelmek. *Nepis nagyşlardan elim çykypdyr.* **Eliňde**

**bolmak** bir işi etmek özüňe bagly bolmak. *Elimde bolsa, seni öýli-işikli etjek.* **Eliň gelmek (getirmek)** humar, kart we ş.m. oýunlarda döwüň ýöremek, utmak. **Eliň gijemek 1)** bir iş edesiň gelmek, döwtalaplyk etmek. *Şu wagt elim gijäp durka, näme ýumşuň bolsa aýdyber* (B.Seýtäkow). **2)** biri bilen ýumruklaşasyň, urşasyň gelmek. *Näme yrsaraýarsyň, eliň gijeýärmi?* **Eliň giňemek** ýeter-ýetmez ýaşaýyşdan çykmak, bol-telki ýaşap başlamak. **Eliň-gözüň dert görmesin**! “Hiç bir agzaňa şikes ýetmesin, janyň sag bolsun” diýlen manyda alkyş aýtmak.*Eliňiz-gözüňiz dert görmesin, adamlar!* **Eliňde baryny etmek** *ser.* **Eliňden gelenini etmek**. **Eliňden çekilen ýaly bolmak** keselden gutulmak, sagalmak. **Eliňden gelenini etmek** bir zady başardygyňdan edip bilmek, amala aşyrmagy başarmak, oňarmak. **Eliňden iş gelmezlik** işe ökde bolmazlyk, her bir işi başarmazlyk, her bir işden baş çykarmazlyk. *Eliňden iş gelmeýän bolsa, kim günäkär?* **Eliňi burnuňa sokmak** iş başarmazlyk, iş başarman öwrülmek, boş gelmek. **Eliňi sowuk suwa urmazlyk** janyňy emgemezlik, agyr iş etmezlik; hiç bir iş bilen meşgul bolmazlyk. *Siz şol elini sowuk suwa urmaýan ýaltalardan-ow!* (B. Kerbabaýew). **Eliň işden sowamak** bir sebäp bilen işlemek höwesiň gaçmak. **Eliňi ýalap galmak** ät galmak, boş çykmak. *Garaşsaň, eliňi ýalap galarsyň-da*. **Eliňi ýatan çöpe urmazlyk** *ser.* **Eliňi sowuk suwa urmazlyk**. *Ol birnäçe ýyllap elini ýatan çöpe urmasa-da, hiç zada mätäç bolmajagyny ol adamlar duýmadylar, asyl, ol olaryň ýadyna-da düşmedi* (B. Kerbabaýew). **Eliň uzadan ýeriňe ýetmek** maddy taýdan doly üpjünlikde, bolçulykda ýaşamak, mätäçlik çekmezlik. **Elleriňe güller bitsin**! Bagşy-sazanda, halyçy, ussa ýaly hünäri bolan adamlaryň eden işlerinde kemini goýman edendiklerini, buýsanmaga haklydygyny bildirýän minnetdarlyk. **Eli sowamak** edýän işine bolan höwesi gaçmak, islegsiz bolmak, sowuk-sala garamak, bir işi göwünli-göwünsiz etmek, işi höwessiz etmek. *Birhili, işden elim sowap barýar*. **Eli süýjülik** tagamly nahar bişirmeklige ukyplylyk, ökdelik. **Eli uzynlyk** her bir mümkinçiligiň bolmaklygy, gurply, barly bolup, edeýin diýeniňi edip bilmeklik. *Eli uzynyň dili uzyn* (Nakyl). **Eli ýarag tutan** urşa ýaran, söweşe gitmäge ýaşy ýeten, ok atmagy, gylyç tutmagy başarýan. *Eli ýarag tutan Watan üçin aýaga galdy.* **Eli ýeňil 1)** edeni em bolýan, ukyply, ökde, başarjaň. **2)** edýän işini aňsatlyk bilen başarýan, gynamaýan. *Goýun soýmaga goňşyny çagyryň, tüweleme, eli ýeňildir.* **Elsiz-aýaksyz galmak** kömekçisiz galmak. **Iki elläp ýapyşmak** bir işe yhlas bilen girişmek, bir zady höwes bilen etmek. **El süýdüni bermek** ene deregini tutmak, ekläp saklamak. *Enemiň ornunda el süýdün berdiň* ("Şasenem – Garyp"). **El tutuşmak** sagdan barýan çep eli bilen çepindäki ýoldaşynyň, çepden barýan bolsa sag eli bilen sagyndakynyň elini gysymlamak, tutmak. *Gyz bilen ýigit ýol bilen el tutuşyp barýardy*. **El ujundan etmek** eden işinde çiglik goýmak, telli-pelli etmek, ýüzleý ýerine ýetirmek. **El urmak 1)** özüňe degişli bolmadyk zady almak, özüň eýe bolmak, eýelik etmek. **2)** birini urmak, ýençmek, kakmak, barmagyňy batyrmak. *Hiý-de adama onda-da aýala el urarlarmy?!* **3)** aýal maşgalany zorlajak bolmak, zorlajak bolup synanyşmak. **El üzmek** terk etmek, ara açmak, owarram, goýbolsun etmek. *Ençe mundan el üzüp, gider özge diýara* (Mollanepes). **El ýaly** uly däl, azajyk, kiçijik. *El ýaly çörek.* **El ýuwmak** bar zatdan çykmak, mal-mülkden dynmak, lüt galmak. **El ýüzünde goýmak** aňsat tapar ýaly ýerde goýmak, taýyn edip goýmak. **Kişi eli bilen ot gorsamak** janyňy gynaman, özüňe agram salman başga birlerini uruşdyrmak, dawalaşdyrmak. **Sag eli** iň ýakyn kömekçisi. *Ol meniň sag elimdi.* **Ýeňsäňi el ýaly etmek** tiz, eglenmän gitmek, ýok bolup, güm bolup gitmek.

**EL II**, Türkmen elipbiýiniň ”L” harpynyň ady.

**EL-AMAN** [el-ama:n] Özüňe rehim edilmegini sorap aýdylýan ümlük.

**EL-AÝAK: el-aýagyňy ýitirmek** ederiňi bilmezlik, özüňe erk edip bilmezlik, sussuň basylmak, aljyramak. *Olar el-aýaklaryny ýitirip, biri-biriniň ýüzüne zaryn garaşdylar* (B. Seýtäkow). *Töweregne seredip, El-aýagyny ýitirýär* (A. Alamyşow). **Elden-aýakdan çykmak** gahar-gazap bilen depirjemek (köplenç, çaga hakda). **El-aýak ýaly** ýumuş edegen, ýetişikli, kömekçi. *Suraý janam, köplenç, meniň ýanymda bolup, onyma-munyma el-aýak ýaly kömek bererdi* ("Edebiýat we sungat").

**ELBETDE** [elvetde], *giriş s.* "Gürrüňsiz, ikuçsyz, şübhesiz" diýen ýaly manylarda gelip, tassyklamagy, makullamagy aňladýar.

**ELBUKJA** [elvukjo], *at.* Gelin-gyzlaryň el işleri salynýan owadan mata böleklerinden tikilen dörtburç bukja. *Elbukjam-a, elbukjam, Deryadan geçen bukjam* (Läle).

**ELDEGIRMESIZ** [eldeğirmesiz], *syp.* Kanun esasynda goralýan (emläk). *Eldegirmesiz edilmek*.

**ELDEKI** [elleki], *syp.* Öýe öwredilip, ekdi edilen (mal, guş we ş.m.).

**ELDEKILEŞDIRMEK** [ellekileşdirmek], *işl.* Eldeki edip başlamak, ekdileşdirmek. *Wagtyň geçmegi bilen kem-kemden şol zamanyň adamlary tutan haýwanlarynyň käbirini eldekileşdirmegi öwrenipdirler* (B. Annageldiýew).

**ELDEKILEŞMEK** [ellekileşmek], *işl.* Dura-bara eldeki, ekdi bolup başlamak.

**ELEGIÝA** [ele:ğiýa], *at,edeb., sazç*. Gamgyn äheňli goşgy ýa-da şu häsiýetli saz eseri. *Magtymgulynyň "Yzlamaýan bolarmy?" goşgusy elegiýadyr.*

**ELEK**, *at*. Un, däne we ş.m. zatlary elemek üçin düýbi inçe sim bilen gözelen, töweregine ýuka demir ýa-da ýuka agaç gurşaw berkidilen esbap. *Bar, geregim, olardan elek getir*.

◊ **Elekden geçirmek** her taraplaýyn barlap görmek, saldarlamak. *Şikeste ýazylan setirleri ýene bir gezek dykgat eleginden geçirýärdi* (G. Kulyýew). **Elek**, **soky etmek** aýlanyp, dörüp, barlap çykmak, gözlemek. *Seni gözläp, köçeleri elek, soky etdim.*

**ELEK-ÇELEK: gözüňi elek-çelek etmek** töweregiňe howsalaly seretmek, geň galyp daş-töweregiňe ýalt-ýult edip seretmek.

**ELEKTRIK** [elektiri:k], *at*. Tehnikada peýdalanylýan energiýanyň görnüşi, şol energiýadan alynýan yşyk.

◊**Elektrik togy** maddanyň bölekleriniň (elektronlaryň, pozitronlaryň we protonlaryň) hereketleri esasynda alynýan yşyk.

**ELEME**, *iş ady*. Elemek ýagdaýy.

**ELEM-EBTAT** [elem-evta:t], *syp*. Ýyrtyk-ýirik, eleşan, hor.

**ELEME-DEŞIK**, *syp*. Deşik-deşik bolan, köp deşikli.

**ELEMEK**, *işl*. **1**. Uny we ş. m. külke zatlary elekden geçirmek, elekden geçirip arassalamak. *Ogulmeňli un eleýär*. **2**. Sepelemek. *Asman gar eleýär.* **3**. *göç.m.* Bir zady ýa-da birini gözläp, agdar-düňder etmek, agtarmak, barlap çykmak. *Gep otaryp, sümsünip, obany eläp ýör.* **4**. *göç.m.* Bir zadyň anygyna, açygyna ýetmek.

**ELEMENT**, *at*. *him*. **1**. Her bir zadyň düzüm bölegi. **2**. Adaty himiki usullar bilen sada böleklere bölünmeýän jisim. *Okuwçylary Mendeleýewiň tablisasynyň elementleri bilen tanyşdyrdylar.*

**ELEM-TAS** [elem-ta:s]**:elem-tas bolmak** aljyraňňy halda, aljyraňňy görnüşde bolmak, aljyramak. *Ol elem-tas bolup ylgap geldi.*

**ELENDIRMEK** [elennirmek], *işl*. **1**. Sandyratmak, sarsdyrmak, titretmek. *Şelpeleri, kirişleri elendirip, labyzly owaz ýaňlanyp ugrady.* **2**. Kynçylyga sezewar etmek, horlamak, kaňkatmak. *Gapy-gapy elendiren, Seniň gözleriň, gözleriň* (Halk aýdamlaryndan).

**ELENME**, *iş ady*. Elenmek ýagdaýy.

**ELENMEK**, *işl*. **1**. Elekden geçirilmek. *Elenip goýlan çäge.* **2**. *göç. m.* Daşky täsir netijesinde gaty titremek, çaýkanmak, yranmak. *Atylýan toplaryň zarbyna ýer-gök elendi.* **3**. *göç.m.* Bir zatda kynçylyk çekmek, horlanmak. **4**. Eýläk-beýläk ylgamak, alakjamak, kaňkamak. *Özün tutup bilmän biraz elendi...* (B. Kerbabaýew).

**ELESLEMEK**, *işl*. **1**. Uzakdan aýyl-saýyl bolup görünmek, mese-mälim bolup görnüp durmak. *Çat maňlaýmyzda elesläp oturan bir jaý durdy*. **2**. Galgap barmak, çalt ýöräp gitmek. *Ol ýol bilen elesläp barýardy.*

**ELESLETMEK**, *işl*. **1**. Galgap bardyrmak, çalt hereket etdirmek, ylgatmak, galgatmak. *Olar ýabylaryny elesledip, bir salym kowdular, emma ýigit barha arany açýardy* (A. Gowşudow). **2**. *göç.m*. Aldyrybermek, gyssamak, aldym-berdime salmak. *Birden ýaňky iki pyýada Batyry elesledip başlady* (Ý. Mämmediýew).

**ELEŞAN** [eleşa:n], *syp*. Ýyrtyk-ýyrtyk, könelen, sallam-sajak, gelşiksiz, betnyşan görnüşli. *Eleşan eşik.*

**ELEŞDIRMEK**, *işl*. Eläp çykmak, hemmesini elekden geçirmek.

**ELEŞMEK**, *işl*. **1**. Elemäge kömekleşmek. **2**. Bilelikde elemek.

**ELETDIRMEK**, *işl., ser.* **Eletmek**.

**ELETMEK**, *işl*. **1**. Birine bir zady elekden geçirtmek. *Ýarma eletmek*.

**ELEWREME** [elewrömö], *iş ady*. Elewremek ýagdaýy.

**ELEWREMEK** [elewrömök], *işl*. Howsala düşüp, näme etjegiňi bilmän ýörmek, aljyraňňy ýagdaýda bolmak, oda-köze düşmek. *Ol çykalga gözläp elewredi, emma hiç ýerden haraý tapman hopukdy* (Ý. Mämmediýew).

**ELEWREMEKLIK** [elewrömöklük], *iş ady*. Elewremek ýagdaýy.

**ELEWREŞMEK** [elewröşmök], *işl*. Birnäçe bolup aljyraňňy ýagdaýa düşmek, bilelikde oda-köze düşmek.

**ELEWRETMEK** [elewrötmök], *işl*. Elewremäge mejbur etmek, elewremek katdyna ýetirmek. *Sen ony elewredip goýaýdyň-la*.

**ELGARAMA** [elğarama], *syp*. Gün-güzerany, oňşugy birine garaşly bolan, bagly bolan, birine bakna.

**ELGARAMALYK** [elğaramalyk], *at*. Gün-güzerany, oňşugy birine garaşly, bagly halda bolmaklyk, birine bakna halda bolmak.

**ELHALRAK** [elha:lyra:k], *syp*. Başgalaryna seredeniňde ýagşyrak, ganymadrak.

**ELGUŞ** [elğuş], *at*. Ekdi edilip, awa salynýan ýyrtyjy guş, aw guşy.

**ELHAL** [elha:l], *hal*. Başgalaryna seredeniňde ýagşy, ganymadrak. *Beýlekilere garanyňda bu toparyň işi biraz elhal* ("Edebiýat we sungat").

**ELHAMDÜLILLA** [elhamdülilla:], *giriş s., k. d.* Hudaýa şükür, razy. *Şükür, elhamdülilla, janana gözüm düşdi* (Magtymguly).

**ELHEDER**: **elheder almak** howatyr etmek. *Elheder alyp duran ýerlerinden ýangyna seredýärler* (N. Saryhanow). **Elheder etmek** toba gelmek, ýakaňy tutmak, gorkmak, çekinmek, üýşenmek. *Duşmanlar gahrymdan elheder etdi, Alnymda ak ýollar açan ýaşlygym* (R. Seýidow).

**ELHENÇ**, *syp.* **1**. Ýürek ýargyç, gorkunç, gorkuly, aýylganç. *Näme üçin meniň düýşüme gowy zatlar girmän, iň elhenç zatlar girýär?* (N. Pomma). **2**. Örän erbet, ýaman. *Garaşylmadyk elhenç habar.*

**ELHENÇLIK** [elhenişlik], *at.* Elhenç halda bolmaklyk; elhenç zatlar.

**ELHEPUS** [elhepu:s], *giriş s.* Gaty geň galmagy, haýran galmagy aňladýan söz; älhepus. *Elhepus, dilewar bolupsyňyz-ow!* (B. Gurbanow).

**ELIKDIRMEK**, *işl.* Elikmek derejesine ýetirmek, el öwretmek, öwrenişdirmek.

**ELIKMEK**, *işl.***1**. Ele öwrenmek. **2**. Birneme ellenip, ulanylyp peti gitmek, könelmek (kürte, çabyt we ş.m. hakynda).

**ELIN** [eli:n], *syp.* Öz eliň bilen, öz gatnaşmagyňda ýa-da ýörite tabşyrylyp amala aşyrylan. *Elin don.*

**ELINJE** [eli:nje], *syp.* Has elin. *Saglyk bolsa, ölmän ertire çyksak, özüm elinje eltip bereýin* (T. Gurbanow).

**ELIP** [eli:p], *at.* **1**. Arap elipbiýiniň birinji harpy we onuň ady. *Biden, elipden bihabar* (Magtymguly). **2**. Uly mallaryň buduna basylýan elip görnüşli tagma.

◊ **Elipden şermende** hat-sowatdan başy çykmaýan, sowatsyz, nadan. **Elip ýaly** dik, göni, syrdam; gelşikli.

**ELIPBIÝ** [eli:pbiý], *at.* Bir diliň ýazuwynyň kabul edilen tertip boýunça ýerleşdirilen harplarynyň jemi. *Täze türkmen elipbiýi.*

**ELJASLAMAK** [elja:slamak], *işl., gepl.d.* Haly agyrlaşmak, haýallamak. *Ol halys eljaslapdyr.*

**ELJIREMEK**, *işl.* Ynjyklyk edip başlamak, läliksiremek, aýnamak; näzirgemek, ylkyramak.

**ELJIREŞMEK**, *işl.* Bile eljiremek, aýnaşmak.

**ELJIRETMEK**, *işl.* Eljiremek katdyna ýetirmek, läliksiretmek, aýnatmak. *Çagany eljiretmek.*

**ELJUK** [elju:k]: **içiň eljuk diýmek** gaty ajykmak, ajygyp surnukmak. *Rejebiň bolsa açlygyndan garny eljuk diýýärdi* (B. Gulow).

**ELKIN**, *hal.* Obadan, öý-işikden üzňe, aýry. *Bu derýanyň boýunda Hüňkaryň ýylkysy elkin ýatan* ("Görogly").

**ELKINÇILIK**, *ser.* **Elkinlik**. – *Elkinçilik bilenem öwrenişipdiris – diýip, özi çaý gaýnadyp, myhmanlaryň öňünde goýdy.*

**ELKINLIK**, *at.* Öý-işikden, oba-garadan üzňelik, aýrylyk, elkin haldalyk, elkinçilik. *Elkinligiň möhleti azalýar.*

**ELKYSSA**, *giriş s., ser.* **Elgaraz**. *Elkyssa, halaýyklar patyşadan rugsat alyp gaýtdylar* (Şabende). *Elkyssa munça jemagatyň dilegi kabul bolup, Hemranyň jany bagyşlandy* ("Hüýrlukga – Hemra").

**ELLEME**, *iş ady.* Ellemek ýagdaýy.

**ELLEMEK**, *işl.* **1**. Eliňi birine ýa-da bir zada degirmek, eliň bilen tutup görmek, barlap görmek. **2**.*göç.m.* Bir zady ele salmak, edinmek. *Bir gowja zadyha elläpsiň* ("Edebiýat we sungat").

**ELLENMEK**, *işl.* **1**. El bilen tutulyp görülmek, el degrilmek, el degrilip görülmek. **2**. Ele salynmak.

**ELLEŞDIRMEK**, *işl.* **1**. Birnäçe zady ýa-da bir zadyň birnäçe ýerini elläp görmek. *Näzik ýanyndaky çelegi elleşdirip gördi* (A. Durdyýew). *Içersindäki zatlaryny elleşdirip görerdi* (R. Allanazarow). **2**. Biri-biri bilen el alyşdyrmak; ýaraşdyrmak, barlyşdyrmak, ylalaşdyrmak; tanyşdyrmak. *Onuň hyýaly ýeňňesirän bolup, Göroglyny Agaýunus bilen, Handan batyry Gülşirin bilen elleşdirmekçidi, ol-da bolmady* ("Görogly").

**ELLEŞMEK**, *işl.* **1**. Hoşallyk bildirmek nyşany hökmünde biri-biriniň elini gysmak, biri-biriň bilen görüşmek, salamlaşmak. *Myhman biziň bilen ýekän-ýekän elleşdi.* **2**. Biri-biriň elini gysyp ylalaşyga gelmek.

**ELLETMEK**, *işl.* **1**. Bir zada el degirtmek, el degirdip gördürmek. **2**. *göç.m.* Ele saldyrmak.

**ELLI I**, *san.* 50 belgisiniň ady we onuň aňladýan sany.*Elli kitap.*

**ELLI II**, *syp.* Eli bar. *Gödensiz elli adam.*

◊ **Ýeke elli** öýünde özünden başga kömek berýäni ýok. *Men ýeke elli bolamsoň, wagtynda işlerime ýetişip bilemok.*

**ELLI-AÝAKLY** [ell(i)-aýakly], *syp., gepl.d.* Ýumuş buýrulan dessine derrew ýerine ýetirýän, basym bitirip berýän. *Elli-aýakly oglandygy görnüp dur, etmeli işlerini aýtdyrman edýär.*

**ELLIBIZAR** [ellivi:za:r], *hal.* Birinden ýa-da bir zatdan bizar bolmaklyk, irmeklik.

**ELLIK**, *at.* Ele geýmek üçin ýüňden örülen ýa-da matadan, gaýyşdan tikilen önüm. *Ol elligini geýdi.*

**ELLILIK**, *at.* **1**. 50 manat möçberindäki pul birligi. **2**. Göwrümi, mukdary, agramy we ş.m. boýunça 50 sana barabar bolan ölçeg birligi. *Ellilik çyra.*

**ELLINJI**, *san.* 50 sanyndan ýasalan tertip san.

**ELMYDAMA** [elmyda:ma], *hal, ser.* **Elmydam**.

**ELPE-ŞELPE**, *ser.* **Elpe-şelpelik**.

**ELPE-ŞELPELIK**, *at.* Bol-elinlik, bolçulyk, hezillik. *Göwni örän göçgündi, Bu gün elpe-şelpelik* (B. Kerbabaýew).

**ELSIZ**, *syp.* Eli ýok, elinden mahrum bolan, eli bolmadyk, golak.

**ELSIZLIK**, *at.* Eli ýokluk, elden mahrumlyk, golaklyk.

**ELTDIRMEK**, *işl.* Birine bir zady başga bir ýere getirtmek. *Kitaby kitaphana eltdirmek.*

**ELTEREZI**, *at.* El bilen tutulyp, agram ölçelýän gural, esbap.

**ELTI**, *at.***1**.Erkek doganlaryň aýallarynyň biri-birine garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz. *Onuň Şaapbasyň gyzy Şasenemiňki ýaly ýanynda kyrk kenizi bolmasa-da, üç eltisi hem gelni bilen birtopar baldyzy bardy* (N. Pomma). **2**. *kön.s.* Ruhanylaryň aýallaryna hormat goýlup aýdylýan söz. *Molla höküme çydap bilmän, atyny eýerläp, eltini hem syrtyna alyp, ýola rowana boldy* ("Zöhre – Tahyr").

**ELTILMEK**, *işl.* **1**. Bir zat başga bir ýere alnyp barylmak, äkidilmek, gowşurylmak, ýetirilmek. **2**. Bir zada sezewar edilmek, duşurylmak, uçradylmak, duçar edilmek. **3**. Goýberilmek, aşyrylmak, ýakynyna bardyrylmak, ýanyna barmaga mümkinçilik berilmek.

**ELTIŞDIRMEK**, *işl.* Ählisini eltmek, hemmesini eltip çykmak, hemmesini eltip bermek.

**ELTIŞMEK**, *işl.* Bir zady eltmäge kömekleşmek, äkidişmek.

**ELTMEK**, *işl.* **1**. Bir zady birine, bir ýere alyp barmak, özüň bilen äkitmek, alyp gidip gowşurmak. **2**. *göç.m.* Bir zada duçar etmek, sezewar etmek, uçratmak. *Onuň bolup ýörşi bir bolgusyzlygyň üstünden eltäýmese ýagşy.*

**ELWAN** [elwa:n], *at.* **1**. Açyk gyzyl reňkli nah mata. *Gyz elwan köýneklidi.* **2**. Açyk gyzyl reňk. *Elwan güller.*

**ELÝAGLYK** [elýa:ğlyk], *at.* El-ýüzüňi süpürmek üçin ulanylýan dörtburç mata bölegi. *Jübüsinden elýaglygyny alyp, maňlaý derini süpürdi.*

**ELÝAZMA**, *at.* Ýazyjynyň, şahyryň eli bilen ýazylan asyl nusga. *Çykyp geplemeleriň elýazma beýany, hatlar şu hakda gürrüň berýär* ("Türkmenistan").

**ELÝETER**, *syp.* **1**. Eliňi uzadanyňda ýeter ýaly ýakyn ýer. *Kitaby elýeterinde goýdy.* **2**. Arzan, gymmat däl.

**ELÝETERLI**, *syp.* **1**. Arzan, gymmat däl. **2**. *göç.m.* Düşnükli, düşnükli edip. *Elýeterli etmek.*

**ELÝETERLILIK**, *at.* Elýeterli bolmaklyk, arzanlyk, gymmat dällik.

**EM I**, *at.* **1**. Kesel bejerýän serişde, derman. *Alyň, içiň şu dermany! Edil emidir* (T. Gurbanow). **2**. *göç.m.* Kynçylykdan, agyr ýagdaýdan çykmaklygyň çäresi, täri. *Ol bu ýagdaýdan çykmagyň emini tapdy.*

◊ **Em etmek 1)** kesellä däri-derman etmek, kesele garşy çäre görmek. *Şumy, gyz, waý, muňa näme em etmeli bolarka?* (A. Durdyýew). **2**) alajyny,çäresini tapmak. **Eminden gelmek** bir zadyň hötdesinden gelmek. **Emini bermek** temmi bermek, çäresini görmek, jeza bermek. **Emiň-ýomuň şu bolsun**! "Şu dermandan soň sagal, aýak üstüne gal, derdiň dep bolsun" diýen manyny aňladýar.*Al, emiň-ýomuň şol bolsun!*

**EM**, Türkmen milli elipbiýiniň "M" harpynyň ady.

**EMAÝ** [ema:ý]**: emaý bilen** usullyk, seresaplylyk bilen. *Gyzyl erkek emaý bilen çökdi* (B. Kerbabaýew).

**EMAÝLYK** [ema:ýlyk], *ser.* **Emaý**. *Ýelli bukjany emaýlyk bilen açdy* (A. Gowşudow).

**EMÇI**, *at, kön.s.* Tebip.

**EMDIRME**, *iş ady.* Emdirmek ýagdaýy.

**EMDIRMEK**, *işl.* Göwüsden iýmitlendirmek; göwsi sordurmak, suwuk zady (süýdi) sorduryp iýmitlendirmek.

**EMEDEKLEME**, *iş ady.* Emedeklemek ýagdaýy.

**EMEDEKLEMEK**, *işl.* Eliňi we aýagyňy (dyzyňy) ýere diräp hereket etmek. *Kä emedekläp, käte bolsa bagyrlary bilen süýşenekleýärdi* (A. Nazarow).

**EMEDEKLEŞMEK**, *işl.* Köpçülikleýin emedeklemek. *Çukurlardan emedekleşip, böküşip çykýan esgerlere goşulyp, ýola tarap ylgady* (N. Jumaýew).

**EMEDEKLETMEK**, *işl.* Elini we aýagyny ýere diredip, öňe hereket etdirmek.

**EMEJIN**, *syp.* Emip ýatmaga endik eden, köp emmegi halaýan, emegen. *Çaga emejin tokly ýaly sokjap, ejesini emdi* (N. Pomma).

**EMEK**, *at, kön. s.* Çörek. *Seniň ýoluňa iýdigim emek* (Burhanetdin Siwasly).

**EMEL I**, *at.* **1**. *ser.* **Amal**. **2**. Wezipe, kär, hünär. *Emel ýetse nadana, özün urar her ýana* (Nakyl).

◊ **1) emele gelmek** döremek, ýüze çykmak, peýda bolmak. **2) emele getirmek** döretmek, ýüze çykarmak. *Gökje taýhar howatyrsyz ýola düşende dikgirdäp, öz yzynda inçemik tozan emele getirýärdi* (B. Kerbabaýew).

**EMEL II**, *at.* **1**. Garşydaşyňa salnan al, hile, hilegärlik, aldaw. *Geliň, bizem bir emel edeliň* ("Görogly"). **2**. Bir zady ýerine ýetirmegiň, kyn ýagdaýdan çykmagyň täri, usuly. *Dostum, senem şeýle batyr bolmaly. Söweş emelini bilip salmaly* (N. Pomma). **3**. Türkmen göreşinde garşydaşyňy ýykmak üçin ulanylýan tilsim. *Emel gowusy güýç* (Nakyl). *Diňe özüne göwni ýetýän biçak güýçli pälwanlar bu emeli ulanmaga ýürek edýärdiler* (N. Jumaýew).

◊ **Emeline çolaşmak** öz eden pyssy-pujurlygy üçin özi zyýan çekmek. *Tilki bolsa öz emeline çolaşyp, galasyz galypdyr* (Halk ertekilerinden).

**EMELDAR** [emella:r], *at, kön.s.* Ýokary wezipeli şahs, jogapkärli wezipäniň başynda duran adam.

**EMELDARLYK** [emella:rlyk], *at.* Emeldaryň ýagdaýy, ýokary wezipelilik.

**EMELI** [emeli], *syp.* Hakyky däl, tebigy bolmadyk, emel bilen edilen, ýasama. *Emeli köl.*

**EMELKEŞ**, *at.* Emel, hile edip, aldawa salýan, hilegär, mekir.

**EMELLEMEK**, *işl.*, *ýerli g.* Oňuşdyrmak.

**EMELLI**, *syp.* **1**. Emeli bolan, belli bir kärli, hünärli, başarnykly. **2**. *ser.* **Emelkeş**.

**EMELLI-BAŞLY** [emelli-vaşly], *ser.* **Emelli**.

**EMELSIZ**, *syp.* Bir işi amala aşyrmagyň ugur-ýoluny bilmeýän, işi ýerine ýetirmäge ukyby bolmadyk, başarnyksyz.

**EMELSIZLIK**, *at.* Emelsiziň ýagdaýy, başarnyksyzlyk. *Ol bu bolup durşuny özüne emelsizlik bildi* (B. Seýtäkow).

**EMENDIRMEK** [emennirmek], *işl.* Iýilýän, içilýän bir zatdan hantama bolup durar ýaly etmek.

**EMENEGEN** [emeneğen], syp. Iýilýän, içilýän bir zatdan dadasy gelip duragan, emenmäge ýakyn gylygy bolan.

**EMENEGENLIK** [emeneğenlik], *at.* Iýilýän, içilýän bir zatdan dadasy gelip duraganlyk, emenmäge ýakyn gylyklylyk.

**EMENIŞMEK**, *işl.* Birnäçe bolup emenip durmak, iýilýän, içilýän bir zatdan hantama boluşmak.

**EMENJEK:emenjek çukur** bokurdagyň gutaryp, gyzylödegiň başlanýan ýeriniň daş ýüzündäki oý ýer. *Ol ýönekeý bir köýnek bolup, ezýakasyndan emenjek çukury saýgaryp durdy* (B. Kerbabaýew).

**EMENJEŇ**, *syp.* Emenegen.

**EMENJEŇLIK**, *at.* Emenegenlik.

**EMENMEK**, *işl.* Iýilýän, içilýän bir zatdan hantama bolup göz dikmek. *Al şeraba el uzatdym, emendim, Durusyn içmişler, laýa sataşdym* (Magtymguly).

**EMER-DAMAR**, *at.* Tohum-tiç, kowum-garyndaş, ilen-çalan. *Bir ýerde emer-damary bar bolsa, hemmesini akgoýun toýuna çagyrdy.*

**EMGEK** [emğek], *at.* **1**. Beden ýa-da ruhy taýdan bolan horluk, azap, jebir, çekilýän agyr zähmet. – *Görogly bolsaň, boluber, meniň eden tamam, çeken emgegim, gören azabym biderek boldy – diýdi-de, galandar zörlediberdi* ("Görogly"). **2**. Kesel, dert.

◊ **Emgek bolup geçsin-dä**! syrkawa ýüzlenip: "Keseliň biraz azar berse-de, aýrylsyn!" diýen manyny bildirýän aňlatma. **Emgek göz bilen gaşyň arasynda** duýman durkaň bir zada ulaşmaklyk, az ýerde bir bela, betbagtlyga sezewar bolmak.

**EMGEKLI** [emğekli], *syp.* **1**. Sütemli, jepaly, jebirli, betbagtçylykly. *Emgekli günler*. **2**. Jebirli bir zada uçragan. *Meniň özüm bir emgekli dogupdyryn.*

**EMGEME** [emğeme], *işl.* Emgemek ýagdaýy.

**EMGEMEK** [emğemek], *işl.* Özüňe dözüp işlemek, özüňe agram salyp işlemek. *Janyňy emgemeseň, özünden bitmez iş* (A. Kekilow).

**EMGENDIRMEK** [emğennirmek], *işl.* Işledip, zähmet çekdirip, onuň görgüsini gördürmek.

**EMGENME** [emğenme], *iş ady.* Emgenmek ýagdaýy.

**EMGENMEK** [emğenmek], *işl.* Işläp, zähmet çekip, onuň görgüsini görmek.

**EMGETMEK** [emğetmek], *işl.* Başga birini ýa-da öz janyňy emgenmek katdyna ýetirmek.

**EMIGRANT** [emiğyra:nt], *at.* Syýasy, ykdysady ýa-da başga sebäplere görä öz ýurdundan başga bir ýurda mejbury ýa-da meýletin göçüp baran adam.

**EMIGRASIÝA** [emiğyra:siýa], *at.* Syýasy, ykdysady ýa-da başga sebäplere görä öz ýurdundan başga bir ýurda mejbury ýa-da meýletin göçüp barmaklyk.

**EMILDIRIK** [emillirik], *at.* Düýäniň howudy we halygy yza gitmezligi üçin boýnunyň aşagyndan alnyp, howuda birikdirilýän ýüp. *Ýagmyr erkeginiň çemmerini, emildirigini, guşagyny çekişdirip berkidýärdi* (N. Pomma).

**EMIN** [emi:n], **1**. *syp., kön.s.* Dogruçyl, ynamly. **2**. *at.* Oýnuň düzgünine seredýän adam. **3**. Oglana dakylýan at.

**EMINLIK** [emi:nlik], *at.* Eminiň wezipesi, käri.

**EMINAGAÇ** [emi:nağaç], *at.* Boýunturugyň ortasyna berkidilýän agaç.

**EMINBAÝRAK** [emi:nmaýrak], *at, ýerlig.* Eminlere berilýän, goýulýan baýrak.

**EMIR**, *at.* Buýruk, hököm.

**EMIR** [emi:r], *at.* **1**. *taryh*. Gündogaryň käbir musulman ýurtlarynda bir ýurduň ýa-da welaýatyň häkimi, hökümdary, hökümdarlyk derejesi, şeýle hem şol derejäni alan şahs. *Buhara emiri.* **2**. Adam ady.

**EMIRLIK** [emi:rlik], *at.* **1**. Käbir musulman ýurtlary, emiriň baştutanlyk edýän döwleti. *Birleşen Arap emirlikleri*. *Buhara emirligi.* **2**. Emiriň wezipesi, käri.

**EMIŞDIRMEK**, *işl.* Göläni, guzyny we ş.m. eneleri bilen tapyşdyryp, enesini emdirmek. *Sona legeni sygryň öňünde goýdy-da, göläni emişdirdi* (Ç. Aşyr).

**EMIŞMEK**, *işl.* **1**. Sagylmazyndan öň gölesini, köşegini emdirmek (sagdyrýan sygyr, düýe hakynda). **2**. Iki enäniň çagasy bir eneden emip ulalmak.

**EMJEK**, *at.* Aýal maşgalanyň, süýdemdiriji haýwanyň süýt mäzleri. *Aglamadyk oglana emjek ýok* (Nakyl). *Gelin bir gapdalda göläni tutup oturdy, Nabat bolsa sygryň emjegini çekeläp, süýt sagýardy* (A. Gowşudow).

**EMLEME**, *iş ady.* Emlemek ýagdaýy.

**EMLEMEK**, *işl.* **1**. *gepl.d.* Birine azu-köp bir zat bermek. *Azdan-köpden emläp razy etdiler* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Para-peşgeş bermek.

**EMLENMEK**, *işl.* **1**. Birine azu-köp bir zat berilmek. *Ejiziň, garybyň göwnünde garyn bolmaz, sähelçe emlenen zatdan doýup, ömür minnetdar bolar* (H. Derýaýew). **2**.*göç.m.* Para berilmek.

**EMLEŞDIRMEK**, *işl.* Hemmesine azajykdan emläp çykmak.

**EMLETMEK**, *işl.* **1**. Berdirmek. **2**. *göç.m.* Para berdirmek.

**EMLÄK** [emlä:k], *at.* Biriniň eýeçiligindäki, birine degişli zat, mal. *Emläk eýesi*.

◊ **Gozgalmaýan emläk** duran ýerinden üýtgedip bolmaýan emläk (jaý, hususy eýeçilikdäki ýer). **Gozgalýan emläk** eýeçiligiňdäki duran ýerini üýtgedip bolýan hemme zatlar.

**EMMA** [emma:], Garşylygy aňladýan baglaýjy. *Howa garalyp dur, emma ýagyş ýaganok.*

◊ **Emmasy bar bolmak** başga bir sebäbi bolmak. *Ikisiniň arasy bozuldy welin, bir emmasy bar bolaýmasyn?*

**EMME I**, *iş ady.* Emmek ýagdaýy.

**EMME II**, *at.* Çaga dilinde: emjek.

**EMMEK**, *işl.* Dodaklar we diliň kömegi bilen emjegi agzyňa çekip sormak. *Guzy süýt emýär. Çaga ejesini emýär*.

**EMR** [emir], *at.* Buýruk, höküm.

**EMRIDIP-SEMRITMEK**, *işl., gepl.d.* Hiç hili esas bolmazdan, ýumşuň hökman bitiriljekdigi hakynda howaýy gürrüň etmek. *Ol: "Bize işe gel, gürrüňi bolmaz, gowuja wezipe-de bererin" diýip, ilki başda baý emredip-semritdi, iş diýip barsam, öňküligi ýok, gepleşesem gelenok.*

**EMRI-MAHAL**, *at, kön.s.* Mümkin bolmadyk zat, boş hyýal. *Ýol başladyň bozuklygyň şanyna, Goşulmadyň emri-mahala düşdi* ("Şasenem – Garyp").

**EMZIK**, *at.* **1**. Aýal maşgalaryň, süýdemdiriji haýwanlaryň süýt mäziniň, göwsüniň, ýelniniň ujy. **2**. Çagany emeli ýol bilen emdirmek üçin ulanylýan maýyşgak enjam. *Agzyna emzik sokup, Gundaglapjyk goýýarys* (K. Gurbannepesow).

**EMZIKLI**, *syp.* Emzigi bar.

◊ **Agzy emzikli** emýän (çaga). *Onuň agzy emzikli çagasy bar.*

**EN**, Türkmen milli elipbiýiniň "N" harpynyň ady.

**ENAR** [ena:r], *at.* Naryň agymtyl däneli süýji görnüşi.

**ENAÝY** [ena:ýy], *syp.* Üýtgeşikden gowy, täsin. *Ussanyň tekjesiniň üstünde çaklaňja, örän enaýy bir gülýaka ýatyrdy* (Ý. Mämmediýew).

**ENAÝYJA** [ena:ýyja], *syp.* Üýtgeşikden gowuja, täsinje, ýakymlyja. *Onuň enaýyja sesi dagyň gaýalarynda ýaňlanyp, dereden-derä düşüp gidýärdi* (B. Kerbabaýew).

**ENAÝYLYK** [ena:ýylyk], *at.* Enaýy görnüşli, enaýy häsiýetli bolmaklyk.

**ENÇE**, *ser.* **Ençeme**.

**ENÇE-ENÇE**, *çal.* Birnäçe, bir topar.

**ENÇEME**, *çal.* Mukdary boýunça köp, köp sanly, ençe, birnäçe. *Bu toprak ençeme ärleri gören toprakdyr.*

**ENDAM** [enna:m], *at.* Adam bedeniniň göze görünýän daş ýüzi, ten. *Ýoldan soň ýadansyňyz, goý, birneme endamyňyz ýazylsyn* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Endamyna et bitmek (örmek)** guratlanmak, semremek. **Endamynda garga çokasy et galmazlyk** horlanmak, süňk bolup galmak. **Endamyňa suw ýöremek** guratlanyp, reňki durlanmak, sagdynlaşmak. *Endamyna suw ýöräp owadanlaşdy* (N. Pomma). **Endamyň syzlamak** bir zatdan heder etmek, gorkmak.

**ENDAM-JAN** [enna:m-ja:n], *at.* Tutuş beden, bütin endam. *Ertir barsam, endam-jany pers-ala* ("Edebiýat we sungat").

**ENDIGAN** [enniğa:n], *syp.* Gyradeň, birsydyrgyn; tekiz, büdür-südür däl. *Gowaçalar endigan gögerdi* (N. Baýramow).

**ENDIGANLAMA** [enniğa:nlama], *iş ady.* Endiganlamak ýagdaýy.

**ENDIGANLAMAK** [enniğa:nlamak], *işl.* Endigan edilmek, düz edilmek, düzlenmek, tekiz edilmek, tekizlenmek, dogrulanmak, deňlenmek. *Ýerler ekişden öň endiganlandy.*

**ENDIGANLAŞDYRMAK** [enniğa:nlaşdyrmak], *işl.* Endigan edip çykmak. *Mellek ýerleri endiganlaşdyrmaly*.

**ENDIGANLAŞMAK** [enniğa:nlaşmak], *işl.* Tekizleşmek, düzleşmek.

**ENDIGANLATDYRMAK** [enniğa:nlatdyrmak], *işl.* Birine endigan etdirmek, düzletdirmek, tekizletdirmek.

**ENDIGANLATMAK** [enniğa:nlatmak], *işl.* Endigan etdirmek, düz etdirmek, düzletmek, tekiz etdirmek, tekizletmek, dogrulatmak, deňletmek.

**ENDIGANLYK** [enniğa:nlyk], *at.* Endigan halda bolmaklyk, gyradeňlik, birsydyrgynlyk.

**ENDIK** [ennik], *at.* Durmuşda kimdir biri üçin adaty zada öwrülen gylyk. *Ir turmak endigi. Çilim çekmek endigi. Ýaramaz endik. Endige öwrülmek. Endik bolup galmak.*

**ENDIKLI** [ennikli], *syp.* Endigi bolan, endik edinen.

◊ **Endik etmek** özüňi alyp barmakda bir zat etmegi öwrenmek, ram etmek. *Ýata garna hiç zat iýmezlige endik edipdirin. Irden turup, daşarda eýläk-beýläk ylgamagy endik edipdirin.*

**ENDIREMEK** [enniremek], *işl.* **1**. Titräp-titräp çykmak (adamyň agzyndan çykýan ses hakda). *Onuň sesi endiräp çykdy.* **2**. Haýsydyr bir täsir ýa-da gowşaklyk sebäpli sandyrap, çalt urmak (ýürek hakda). *Ýüregim endiräp dur*.

**ENDIRETME** [enniretme], *iş ady.* Endiretmek ýagdaýy.

**ENDIRETMEK** [enniretmek], *işl.* Endiremek katdyna ýetirmek. *Aýdymçy sesini endiredip, aýdym aýdyp başlady.Yssy onuň ýüregini endiretdi.*

**ENDIREŞMEK** [enniresmek], *işl.* **1**. Titreşip-titreşip çykmak (köp ses hakda). **2**. Haýsydyr bir täsir ýa-da gowşaklyk sebäpli sandyraşyp, çalt urmak (birnäçe adamyň ýüregi hakda).

**ENDIREWÜK** [ennirövük], *syp.* Endiräp çykýan, sandyrap, titräp çykýan (ses hakda). *Men bu sözleri gahar gatyşykly, endirewük sesim bilen daşyma çykaranymy bilmän galypdyryn* ("Edebiýat we sungat").

**ENDIŞE** [ennişe], *at.* Gaýgy-alada, ünji, alada. *Endişe gazan gaýnatmaz* (Nakyl). *Endişeli iş bitirmez, meýdanda däli bolmasa* (Magtymguly).

**ENE**, **1**. Kakaň ejesi. *Men eneme kömekleşmeli* (G. Gurbansähedow). **2**. Çaganyň ejesi, çagany dogran aýal, eje. *Enemi gören mähriban, atamy gören gadyrdan* (Nakyl). *Dünýäniň bar görki enedir, ene* (G. Gurbansähedow). **3**. Owlak-guzy, göle we ş.m. guzlan ene mal, köşek botlan inen düýe. *Ol enesi bilen çykyp gaçan guzulary salymyny bermän, yzly-yzyna tutup getirýärdi* (H. Derýaýew). **4**. Garry aýallara ýüzlenilip ýa-da olaryň adynyň yzyndan getirilip aýdylýan söz. **5**. Bir zadyň esasy başlangyjy. *Ene ýap*. **6**. Gyza dakylýan at.

◊ **Ene dereginden hiç zat galmazlyk** asyl keşbinden, görnüşinden hiç zat galmazlyk. **Ene dili** öz ýurduňda çagalykdan geplenýän dil (haýsy-da bolsa bir millete degişli bolan dil); her bir adamyň degişli bolan milletiniň dili. **Enesi ýalamadyk** terbiýe görmedik, ergeneksiz eklenen. **Ene süýdünden halal** öz zähmeti siňen, kişi zähmetiniň goşandy bolmadyk, ogurlyk däl. *Ene süýdünden halaldyr, şuny saňa berýärin.* **Ene toprak** adamyň doglan ýeri, ýurdy, Watany. *Bu desga geljek nesillerimiz üçin suw bolçulygyny döredip, ene topragymyzyň bereketini has-da artdyrar* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr").

**ENEDENDOGMA** [enedennoğma], *hal.* Baryp ýatan, bütinleý, bütin ömründe şeýle, hemişe, mydama.

**ENEKE**, *at.* Maşgalada, çagalar edaralarynda we ş.m. çagalara ideg, gözegçilik etmek bilen meşgullanýan aýal, gelin-gyz. *Ol çagalary, çagalaram enekelerini gowy görýärdi* (Ç. Aşyr).

**ENELI**, *syp*. Enesi bolan, enesi bar. *Eneli ösen çaga.*

**ENELI-GYZ** [eneli-ğy:z], *at.* Ejesi bilen gyzy ikisi. *Eneli-gyz uzakly gün haly dokaýardy.*

**ENELIK**, *at.* **1**. Ene bolmaklyk, enä degişli bolan. *Men bir enelik borjumy ýerine ýetirip, öz etjegimi edeýin, sen onsoň nähili islaseň, şonuň ýaly ýaşa!* (B. Kerbabaýew). **2**. Kakaň ejeň ýerine alan aýaly, öweý ene, ejelik.

**ENELI-OGUL** [enel(i)-oğul], *at*. Ejesi bilen ogly ikisi. *Eneli-ogul boljak toýuň gürrüňini edýärdiler*.

**ENERGETIKA** [enerğe:tika], *at.* **1**. Fizikanyň energiýanyň häsiýetlerini öwrenýän bölümi. **2**. Hojalygyň energiýanyň dürli görnüşlerini işläp çykarmagy, öndürmegi içine alýan bir pudagy.

**ENERGIÝA** [ene:rğiýa], *at.* Materiýanyň hereketlenişiniň ölçegi we iş öndürip biliş ukyby. *Gün energiýasy. Ýylylyk energiýasy. Elektrik energiýasy. Mehaniki energiýa. Atom energiýasy.*

**ENESIZ**, *syp*. Enesi ýok, enesi bolmadyk.

**ENESIZLIK**, *at*. Enesi bolmazlyk, enesi ýokluk.

**ENGAM** [enğa:m], *at.* Gowy görlüp berilýän sowgat, halat-serpaý, sylaglar, peşgeş. *Saňa, oglum, engam diýip, iki iner, bir gyz belläp goýupdym* ("Görogly").

**ENGAMLYK** [enğa:mlyk], *at.* Engam üçin niýetlenen (zatlar).

**ENJAM** [enja:m], *at.* **1**. Bir işi ýerine ýetirmek üçin gerek bolan abzallar, iş gurallary. *Hojalyklar dürli enjamlar bilen üpjün edildi.* **2**. Bir işi amala aşyrmak üçin taýýarlyk, alada, çäre, alaç. *Çandybil halky şatlanyp, uly toý enjamyny tutdy* ("Görogly").

**ENJAMLAŞDYRMAK** [enja:mlaşdyrmak], *işl.* Hemme gerek bolan abzallar, iş gurallary bilen üpjün etmek, gurnamak, abzallaşdyrmak. *Ýaryş geçjek meýdançany enjamlaşdyrmak*.

**ENJAMLAŞDYRYLMAK** [enja:mlaşdyrylmak], *işl.* Hemme gerek bolan abzallar, iş gurallary bilen üpjün edilmek, gurnalmak, abzallaşdyrylmak. *Men lukmançylygyň iň täze enjamlary bilen enjamlaşdyrylan nobatdaky sagaldyş toplumlarynyň ýa-da hassahanalaryň işe girizilen wagty özümi iň bagtly we buýsançly adam saýýardym* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Garaşsyzlyga guwanmak. Watany, halky söýmek bagtdyr").

**ENŞALLA** [enşalla:], "Saglyk bolsa, hudaý ýol berse" diýen manyda ulanylýan giriş sözi.

**ENTEJIK**, *hal.* Azajyk wagtlap, sähelçe wagtyň dowamynda, birsalym. *Entejik howlukmaň!*

**ENTEK**, *hal.* **1**. Heniz, häzirlikçe. **2**. Biraz, az salym.

**ENTEK-ENTEKLER**, *hal.* Köp wagtyň dowamynda, köp wagtlap, birnäçe wagta çenli. *Entek-entekler hem ýan bermejegine ynamy bardy*.

**ENTEMEK**, *işl.* **1**. Ýörän wagtynda deňagramlylygy saklap bilmän, iki-baka çaýkanmak, yraň atmak. *Käwagtlar daşa büdräp entäp gidýärdi* (Ç. Aşyr). **2**. *göç.m.* Biderek söw-söw syryp ýörmek, işsiz aýlanyp ýörmek. *Gijäniň içinde nireden entäp geldiň* (A. Atajanow). **3**. *göç.m.* Şowsuzlyga sezewar

bolmak, garyp düşmek, batmak. *Bular seniň entäniňi bilseler, ýeňsäňe deperler* (B. Kerbabaýew). **4**. *göç.m.* Biriniň ýa-da bir zadyň yzynda ser-sepil bolmak, sergezdan bolmak. *Habybyň aýagyna ýykylyp, onuň ýüregini eýelejek bolup entänler hem az bolmady* (G. Kulyýew).

**ENTER-PELEK: enter-pelegini öwürmek** başyny-gözüni aýlamak, aljyraňňy ýagdaýa salmak, aljyratmak. *–Ýene-de nirede bolduň, näme etdiň – diýip, enter-pelegini öwürýärsiň?* (B. Seýtäkow).

**ENTEŞMEK**, *işl.* Bilelikde entemek. *Gijäň bir mahaly siz näme beýdip enteşip ýörsüňiz? Sür atyňy dogry şoňa, Beýdip enteşip ýörmäli* (Ç. Aşyr).

**ENTETMEK**, *işl.* Birini entemek katdyna ýetirmek, entär ýaly etmek. *Keselçilik ony ahyry entetdi.*

**ENTIREKLEMEK**, *işl.* Bir zadyň zarbyna ýa-da başyň aýlanmagy sebäpli deňagramlylygy ýitirmek. *Kerimiň gözleri, gulaklary gapylan ýaly boldy, ol entirekledi* (Ý. Mämmediýew).

**ENTIREKLEŞMEK**, *işl.* Köpçülikleýin entireklemek.

**ENTIREKLETMEK**, *işl.* Biriniň entireklemegini gazanmak. *Mämmetjan hem näme bolsa-da, bu döwi darynyň üstüne entirekledip eltdi* ("Türkmen halk ertekisi").

**ENZYRUT** [enzyru:t], *syp., gepl.d., göç.m.* Barypýatan gysganç, syrnyh. *Sen-ä bir barypýatan enzyrut ekeniň.*

◊ **Enzyrut ýaly** gysganç, syrnyh (adama aýdylýar).

**EŇAŞAK** [eňaşa:k], *hal.* Eňňitden aşak, ýokardan aşaklygyna, ýapaşak. *Maşyn eňaşak barýar*.

**EŇAŞAKLYGYNA** [eňaşa:klyğna], *hal.* Ýokardan aşaklygyna, beýikden aşaklygyna, ýapaşaklygyna. *Eňaşaklygyna gaýtmak.*

**EŇDIRMEK**, *işl.* Aşaklygyna goýbertmek, indirtmek.

**EŇEK**, *at.* **1**. Ýüzüň aşaky çürelýän ýeri, äň süňkleriniň birleşýän ýeri. **2**. Keçäniň gyrasyna salynýan nagyş we onuň ady. **3**.*göç.m.* Hiç kime ýeň bermän, öz diýenini tutup duran keç adam, jedelçi. *Duran bir eňekdir, bakmaz sözüňe* (A. Kekilow).

◊ **Eňek atmak 1)** öldüm-öldümiň öň ýanynda bolmak, agyr hassa bolmak, halys ysgyndan düşmek. *Eňek atyp ýatan hassany ýeke taşlap, adam çagyrmaga gidip bilmän, gijäni ýarym etdiler* (H. Derýaýew). **2)** gözýetimde gizlenmäge ýakynlaşmak, ýaşaňkyrlamak (gün hakynda). *Gün eňek atdy*. **Eňek bermezlik** öz pikirinden, düşünişinden el çekmezlik, başga adamyň pikiri bilen düýbünden razylaşmazlyk, baş bermezlik. *Gurban "şu çyn boljak" diýip, tüýs eňek bermedi*. **Eňek dyndarmazlyk** tabşyrylan işi oňat ýerine ýetirmezlik, nämedir bir zady doly etmezlik, kanagatlandyrmazlyk. *Oňa ýumuş buýursagam-a buýurdyk weli, eňek dyndarmasa gerek!* **Eňegiňi basmak** içmek üçin içine çal, suw ýaly suwuk zat guýlan tabaga eňegini ýetirmek. *Ol çal guýlan jama eňegini basdy*. **Eňegine ata sakgaly çykan** beden we ruhy taýdan ýetişen, ýigit çykan. *Onuň eňegine ata sakgaly çykan ogly bar.* **Eňegiň dynmazlyk** kimdir birinden ýa-da bir zatdan gönenmezlik, birinden ýa-da bir zatdan azar çekmeklik. **Eňegine jaň dakylan ýaly** hiç kime gezek bermän köp gepleýän, ýaňra, lakgy. **Eňegiňe tutmak** aýdanyňy gögertjek bolmak, özüňkini mamla hasaplamak, öz diýeniňden dönmezlik. **Eňegi ýere berilmek** *ser.* **Ýüzi ýere berilmek**. *Ol daşa büdräp, eňegi ýere berildi*. **Eňek etmek** bir zat hakynda dawa etmek, jedelleşmek, jedel etmek, dawalaşmak. *Päheý, saňa ýöne eňek et diýseň!* (B. Kerbabaýew).

**EŇEKLEŞMEK**, *işl.* Bir mesele barada jedelleşmek, jedel edişmek, dawalaşmak, harçaňlaşmak. *Eňekleşip oturmaň-da, gowusy toýa taýýarlanyň* (B. Öwezow).

**EŇILMEK**, *işl.* **1**. Aşaklygyna gaýdylmak, inilmek. *Ol pişegi göterende, arkan gaýşyp uranda, ileri eňilip, bütin göwresi bilen hereket edip ýaýýar* (H. Derýaýew). **2**. Bir tarapa gidilmek, ýüzlenmek. *Ol derrew yzyna dolanyp, süriniň gündogaryna bakan eňilýär* (B. Gurbanow). **3**. Hüjüm edilmek, çozulmak. *Ol duşman haýsy tarapa eňilse, şol ýerdäki pulemýoty atýardy* (B. Soltannyýazow).

**EŇIŞMEK**, *işl.* **1**. Köp bolup aşaklygyna eňmek, inmek. **2**. Bilelikde bir tarapa gitmek. **3**. Çozuşyp gelmek.

**EŇK**, *at.* Ysgyn, güýç, eňkam. *Sapar märem, gurban tylla nalyňa, Eňkim ýok ýapyşsam ýüpek ýalyňa* ("Görogly").

◊ **Eňki gaçmak (gitmek)** haýy gitmek, ysgyndan düşmek, halys bolmak, eňkamy gaçmak, ýadamak. *Gaçyp Güljemalyň eňki, Gitdigiçe galýar yza* (Ç. Aşyr).

**EŇKAM** [eňka:m], *ser.* **Eňk**.

◊ **Eňkamy gaçmak (gitmek)** *ser.* **Eňki gaçmak**. *Eňkamy gidip, ýanyny ýere berdi* (H. Derýaýew).

**EŇLIŞMEK**, *işl.* Ýerli-ýerden eňmek, bilelikde eňmek.

**EŇME**, *iş ady.* Eňmek ýagdaýy.

**EŇMEK**, *işl.* **1**. Beýikden, ýokardan gaýtmak, aşaklygyna gaýtmak. **2**. Bir tarapa, bir ýere ýüzlenmek, gitmek. *Bütin oba şolara tarap eňdi*. **3**. Hüjüm etmek, çozmak. **4**. *göç.m.* Biri bir zady bolşundan has ulaldyp aýdanda, diňleýjiler onuň ýalan sözleýändigini bilip, "aşak düşsene" diýen ýaly many aňladýar. *Entek eňeweri, zalywat.*

◊ **Eňen ugruňa gitmek** dogry, nädogry diýmän, öz diýeniňe tutup oturmak, ýyňdarma bolmak. *Ol eňen*

*ugruna gulak salman gider.* **Eňen ugruňa çapyp oturmak** *ser.* **Eňen ugruňa gitmek**.

**EŇŇERE**, *at.* Hasyl ýygnalyp gutarandan soň onuň galak-gaçagy çöplenýän, hoşa edilýän ekinçilik. *Eňňere meýdanynda galan ýeke-täk mähnet garpyzy geňirgediler* (B. Kerbabaýew).

**EŇŇERELIK**, *at.* Eňňere edilen ekin meýdany.

**EŇŇIT**, *at.* Beýiklikden aşaklygyna peselip gaýdýan ýapgyt ýer, ýapaşak ýer, eňaşak ýer. *Atlylar belent gerşiň eňňidine indiler* (B. Seýtäkow).

◊ **Eňňit etmek: 1)** aşaklamak. *Gün deňze tarap eňňit edýärdi.* **2)** bir tarapa ýüzlenmek, gitmek.

**EŇŇITLIK**, *at.* Eňňit ýer.

**EŇRE**, *at, gepl.d.* Aglak. *Eňre çaga.*

**EŇREME**, *iş ady.* Eňremek ýagdaýy.

**EŇREMEK**, *işl.* Zarynlap gözýaş etmek, zar-zar aglamak; möňňürip aglamak, eňşemek. *Aglanyň öňünden eňrän çykar* (Nakyl).

**EŇREMEZ**, *at*, *ýerli g.* Alty ýaşan goýun.

**EŇREŞIK**, *at, ser.* **Eňşeşik**.

**EŇREŞMEK**, *işl.* Köpçülikleýin eňremek.

**EŇRETME**, *iş ady.* Eňretmek ýagdaýy.

**EŇRETMEK**, *işl.* Gözýaş etdirmek, aglamaga mejbur etmek, aglatmak. *Agladyp, eňredip ýeňňemi aldy, Arapdan aryňy al, Jygaly ogly* ("Görogly"). *Aglatma, eňretme aşyk Tahyry, Zöhräniň ugrunda köýýän diýenmiş* (K. Gurbannepesow).

**EŇSI**, *at.* Sowuk girmezlik üçin öýüň gapysyna tutulýan halynyň bir görnüşi. *Edil şol demde gara öýüň bäş ädim öňündäki daş tamyň gapysy şarkyldap açyldy-da, işigiň eňsisi serpilen gara öýüň bosagasynda Enebaý ejäniň äpet göwresi peýda boldy* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Alem içre at gezer", 9 s.). *Ol öýleriň işigindäki agyr eňsiler aşak goýberilen gabak ýaly börtüşip durdy* (Ý. Mämmediýew).

**EŇSIGAMYŞ** [eňsiğamyş], *at.* Öýüň gapysyna tutulýan örülen gamyş.

**EŇSILIK**, *at.* Eňsi dokamak üçin niýetlenen (ýüň we ş.m. zatlar).

**EŇŞEMEK**, *işl.,ser.* **Eňremek**. *Öýne gelse aýallar, Ikisem eňşäp otyr* (A. Alamyşow).

**EŇŞEŞIK**, *at.* Köp adamyň agyly sesi, zenzele, yzanda-çuwanlyk, ahy-nala. *Howlynyň içinde uly eňşeşik başlandy* (A. Gowşudow).

**EŇŞEŞMEK**, *ser.* **Eňreşmek**. *Sürüldiler il barysy eňşeşip, Pyganyna daglar, daşlar gymşaşyp, Asman joşa geldi, zemin gowşaşyp, Bulutlar durdular nala, Seýidi* (Zelili).

**EŇŞETMEK**, *ser.* **Eňretmek**.

**EŇTERILMEK**, *işl.* **1**. Gabyň agzy aşak edilip dökülmek, guýulmak. *Depesinden eňterilen sowuk suw*. **2**. Iteklenip ýykylmak. **3**. *göç.m.* Erbet taraplary, etmişi görkezilip geplenmek, ýamanlamak, üstünden düşülmek, tankyt edilmek. **4**. Bir zat bilen urulmak, biri tarapyndan urlan bolmak. **5**. *göç.m.* Birbada içilmek, başa çekilmek. *Okara doly çal bir başa eňterildi*. **6**.Bir tarapa ýüzlenilmek, çalt hereket edilmek, çozulmak. *Gelişleri ne haýbatly, Eňterilen dek gelýärdi sap* (Ç. Aşyr).

**EŇTERIŞDIRMEK**, *işl.* **1**. Köp gapdaky zady eňtermek; yzly-yzyna dökmek, guýmak. *Doly bedreleri eňterişdirmek*. **2**. Birnäçe ýere zat dökmek, birnäçe ýeriň üstüni ýapmak, gömüşdirmek. **3**. Birnäçe zady agdarmak, agdaryşdyrmak, itekläp ýykyşdyrmak. **4**. *göç.m.* Käbir adamlaryň erbet taraplaryny, etmişlerini aýdyşdyrmak, aýdyşdyryp ýamanlamak. **5**. Köp adamy urup başlamak, gaýta-gaýta eňterip urmak. **6**. *göç.m.* Köp gapdaky zady içmek, yzly-yzyna içmek, başyňa çekmek.

**EŇTERIŞMEK**, *işl.* **1**. Eňtermäge kömek etmek, bilelikde eňtermek. **2**. Köpçülik bolup bir tarapa ýüzlenmek, çalt hereket edip gitmek, at goýmak, çozmak, dökülmek.

**EŇTERMEK**, *işl.* **1**. Içi zatdan doly gaby egip, baryny birden guýmak, hemmesini dökmek. *Omaçaly çorbany gazanyň iki gulagyndan ýeňi bilen tutup, içi dogralan nanly çanaga eňterdi* (N. Pomma). **2**. Bir gapdala agdarmak, itekläp çykmak. *Käbir şonuň ýaly haramzadany belent dagyň başyndan eňtermek gerek* (B. Kerbabaýew). **3**. Bir zat bilen depesinden indermek, urmak. *Gazabyma çydap bilmän, has zarplyrak eňteräýipdirin* (B.Kerbabaýew). **4**. *göç.m.* Biriniň ýaramaz taraplaryny, etmişlerini görkezip tankyt etmek, üstünden düşmek. **5**. *göç.m.* Gapdaky suwuklygy birbada içmek, başyňa çekmek. **6**. Çalt hereket edip, bir tarapa ýüzlenmek, at goýmak, dökülmek, çozmak.

**EŇTERTMEK**, *işl.* Biriniň eňtermegini gazanmak, agdartmak, içirtdirmek, çozdurtmak.

**EP**-, *Esli* sözüniň öňünden gelip, sözüň manysyny güýçlendirýän bölek. *Ep-esli.*

**EPDEK**, *at.* Gurhanyň ýediden bir bölegi.

**EPENDI** [epenni], *kön.s.* **1**. Köplenç, asly türk bolan erkek adamlara sypaýylyk, hormat bilen ýüz tutulyp aýdylýan söz. *Müdir ependi, siz maňa ýürekde çirik saklamagy öwreden dälsiňiz* (B. Kerbabaýew). **2**. Adam ady.

**EPENEK**, *at.* **1**. Bir zadyň içinden geçirilýän, okuň ujuna berklik üçin geýdirilýän, içi deşik tegelek demir bölejik, gaýyş. **2**. Pil saplananda, sapyň içinden geçirilen çüýüň üstünden goýulýan içi deşik ýasyja demir bölejigi. **2**. Düýäniň burnundan sypmazlygy üçin büýliniň uçly tarapynyň iç ýüzünden geýdirilýän teletin, gaýyş bölejigi.

**EP-ESLI**, *syp.* Möçberi, mukdary boýunça köp, uly, ýoňsuz, esli. *Ep-esli pul. Ep-esli bugdaý.*

**EP-ESLIJE**, *syp.* Eslije, ýoňsuzja. *Buýran işiňi etmek üçin maňa ep-eslije wagt gerek.*

**EP-ESLIRÄK** [ep-eslirä:k], *syp.* Möçberi, mukdary boýunça ep-esliden azrak.

**EPEÝ**, *syp.* **1**. Daş görnüşi, müçesi, gabarasy uly, daýaw, uly. *Epeý adam.* **2**. *göç.m.* Özüni agras tutýan; gopbamsy. *Ýigit epeý basyp, gopbam görünýär* (K. Gurbannepesow).

**EPEÝ-EPEÝ**, *syp., gepl.d.* Uly-uly. *Toýa epeý-epeý ýaşulular gelipdir. Epeý-epeý ädimläp barýar.*

**EPEÝLENMEK**, *işl.* Epeý görnüşe girmek, özüňi epeý görkezmek, gopbamsyramak. *Epeýlenip jogap berdi* (G. Kulyýew).

**EPEÝLIK**, *at.* **1**. Epeý bolmaklyk, epeý görnüşlilik. **2**. Ulumsylyk, gopbamsylyk. *Ol epeýlik bilen içeri girdi.*

**EPGEK**, *at.* Tomus günleri öwüsýän gyzgyn ýel, howurly ýel. *Tolkun-tolkun bolup akyp duran epgegiň aşagyndaky gowaçalaryň ýapraklary garamtyl gökdi* (N. Baýramow).

**EPGEKLI**, *syp.* Epgek öwüsýän, gyzgyn ýelli. *Epgekli çöllügiň jümmüş ýerinde, Atam pahyr gün ýamanyn görüpdir* (M. Myşşyýew).

**EPGEKSIZ**, *syp.* Gyzgyn ýelsiz, epgek öwüsmeýän. *Epgeksiz howa.*

**EPIK** [e:pik], *syp.* Žanr hökmünde eposa häsiýetli, eposa, şadessana mahsus.

**EPILMEK**, *işl.* **1**. Epin emele gelmek, epin tutmak, gasyn atmak. *Onuň köýnegi epilipdir*. **2**. Egilmek, bükülmek, eplenmek.

**EPIN**, *at.* Bir zadyň eplenen, ýygyrt atan ýeri. *Dar dartylyp ýyrtylar, giň epinden gyrkylar* (Nakyl). *Epini açylmadyk garma don.*

**EPINLI**, *syp.* **1**. Epini bar bolan, ýygyrt atan, epin tutan. **2**. Epin goýlup tikilen.

**EPIŞDIRMEK**, *işl.* Hemmesini epip çykmak, bir ujundan epmek.

**EPIŞMEK**, *işl.* Bir zady epmäge, gat-gat etmäge kömek bermek.

**EPLEM**, *at.* Eplenen, gatlanan zat.

**EPLEME**, **1**. *iş ady.* Eplemek ýagdaýy. **2**. *at.* Eplenýän, açylyp-ýygnalýan. *Epleme oturgyç.*

**EPLEMEK**, *işl.* Bir zady gat-gat etmek, epmek. *Ol bitin çapadyny bölmän, epläp agzyna dykdy* (H. Ysmaýylow).

**EPLEM-EPLEM**, *syp.* Gat-gat bolup duran.

**EPLENIŞMEK**, *işl.* Bükülişmek, gat-gat, epin-epin boluşmak; köpçülikleýin bükülmek; gat-gat bolmak.

**EPLENME**, *iş ady.* Eplenmek ýagdaýy.

**EPLENMEK**, *işl.* Bükülmek, bükülen ýagdaýda bolmak, gat-gat bolmak.

◊ **Eplenip ýatmak** iş etmän bikär, işsiz-pişesiz gün geçirmek. *Aç-suwsuz eplenişip ýatyrdylar* (A. Gowşudow).

**EPLEŞDIRMEK**, *işl.* Hemmesini epläp çykmak, eplem-eplem edişdirmek, birnäçe gezek eplemek. *Ol elindäki kagyzy epleşdirip, jübüsine saldy* (N. Geldiýew).

**EPLEŞMEK**, *işl.* Bir zady eplemäge, gat-gat etmäge kömekleşmek. *Geýimleri epleşmek.*

**EPLETMEK**, *işl.* Bir zady gat-gat etdirmek. *Ýaglygy epledip ýygnatmak.*

**EPME, 1**. *iş ady.* Epmek ýagdaýy. **2**. *at.* Üsti, düzümi miweli, ýagly *we.ş.m.* tagamly azyk önümi. *Bally epme.*

**EPMEK I**, , *işl.*Göni ýa-da ýazgyn zady eplemek, geýim-gejimleriň etegini gysgaltmak üçin epmek. *Paşmaklaryny epdi-de, emaý bilen aýak üstüne galdy* (B. Kerbabaýew).

◊ **Dyzyňy epmek** sähel wagt oturmak.

**EPMEK II**, *at*, ýe*rli g*. Çelpek. *Ahalyň ak unundan Epmek gelsin şu gyza, Maňgyşlagyň maň goýnundan Söwüş gelsin şu gyza* (Hüwdi).

**EPOS** [e:pos], *at.* Bir tema bagyşlanan milli häsiýetli gahrymançylykly halk aydymlarynyň, poemalarynyň, rowaýatlarynyň we dessanlarynyň tutuş jemi, şadessan. *"Görogly" eposy.*

**EPRIK** [epirik], *at.* Süýt bilen gatygyň garylmagyndan taýýarlanylýan süýt önümi. *Käte üýşüp eprik, goýultmak edinýäris* ("Edebiýat we sungat").

**EPRUT** [epiru:t], *syp.* Şylhasy çykan, halys tozan. *Täzeje geýen geýimler tiz wagtyň içinde deriň şoruna eprut bolup, eginlerinden düşüp galýardy* (H. Derýaýew).

◊ **Eprut garry** garrap halys lagşan adam.

**ER**, Türkmen milli elipbiýiniň "R" harpynyň ady.

**ERA** [e:ra], *at.* Ýyl hasaby ýöredilip ugran başlangyç pursat we şeýle ýyl hasabynyň ulgamy.

**ERA** [era:], *kön.s.* Içinde. *Meýdan era jeňi-maglup gaýrylsa* (Mätäji).

**EPSOMIT** [epsomi:t], *at.* Angliýanyň Epsom şäheriniň golaýyndan tapylan ajy duzuň ady.

**ERADA** [era:da], *at.* Erk; maksat, niýet. *Seniň hem beýle bolmagyň Allanyň eradasy bilendir* (H. Derýaýew).

**ERBAHASY** [ervahasy], *at,ösüml.d.* Boýy 15-30 *sm* ýetýän köpýyllyk ot, ýabany dermanlyk ösümlik.

**ERBET** [ervet], *syp.* **1**.Gowy däl, ýaramaz; ýaman. *Adama erbet söz aýtmaň!* **2**. Aýylganç, elhenç, gorkunç. *Ol birden ah çekip, erbet ses etdi* (N. Pomma). **3**. Pes, öwerlik däl (hal-ýagdaý hakynda). *Syrkawyň ýagdaýy häzir erbet däl.*

**ERBETÇILIK** [ervetçilik], *at.* Hil, ýagdaý, hereket, iş we ş.m. taýdan ýaramazçylyk, göwnejaý dällik, maksada laýyk gelmezlik, erbetlik.

**ERBETLEMEK** [ervetlemek], *işl.* Pese düşmek, ýaramazlaşmak, beterlemek. *Onuň saglygy erbetleýär.*

**ERBETLENMEK** [ervetlenmek], *işl.* Öz-özünden erbet bolmak. *Hil taýdan erbetlenmek.*

**ERBETLEŞDIRMEK** [ervetleşdirmek], *işl.* Erbetlenmegine getirmek. *Onuň özi saglygyny erbetleşdirdi.*

**ERBETLEŞMEK** [ervetleşmek], *işl.*Kem-kemden erbet bolmak.

**ERBETLIK** [ervetlik], *at.***1**. Erbet halda bolmaklyk, erbetçilik, ýaramazçylyk. **2**. Erbet iş. *Erbetlik etmek.*

**ERDEM** *at, kön.s.* Edep, terbiýe. *Erdem başy dil* (Nakyl).

**ERDEMLI**, *syp.* Başarnykly, edenli, salyhatly, hünärli. *...Derse han oglana beglik bergin, tagt bergin-erdemlidir* ("Gorkut ata").

**EREDIJI**, *at.***1**.Bir maddany ergin hala öwürýän (suwuklyk). **2**.Metaly eretmek bilen meşgul bolýan adam. *Polat erediji.*

**EREDILMEK**, *işl.* Ergin eredilmek, ergin, suwuk hala getirilmek.

**EREK** *at.***1**.Goýnuň bir jynsy. *Guşda barak eti, goýunda erek eti* (Nakyl). **2**. Goşa, iki örküçli düýe, maýa. *Erek maýa münjekmi?* (Sanawaçdan).

**EREM**, *at,şahyr*. Behişt.

◊ **Eremiň bagy** behişt bagy. *– Siziň jaýyňyz nirededir – diýdi. Periler: – Erem bagynda – diýip, jogap berdiler* ("Hüýrlukga–Hemra").

**EREMEK**, *işl.* **1**. Ergin hala öwrülmek, daşky täsir netijesinde suwuk hala öwrülmek. *Eredi ak garlar ala daglarda* (A. Kekilow). **2**. *göç.m.* Gün-günden horlanmak, iglemek. *Ol gün-günden eräp barýar.* **3**. Ýüregi ýuka ýagdaýda bolmak, durumsyz bolmak, gowşamak. *Oňa açyk ýüz bilen sen diýseň eräbiýr.* **4**. Gaty gowusyrap geplemek, suwjarmak katdyna ýeteňkirlemek.

◊ **Eräp akmak** gaty horlanmak, guramak. *Gaýra-gaýra bakar men, Gyzlar, läle kakar men, Sol joramy görmesem, Eräp-eräp akar men* (Läle). *Günbe-günden eräp akýar, Ýok derdine derman-däri* (B. Kerbabaýew).

**EREN**, *at,ser.* **Erenler**.

**ERENLER**, *at.*Ärler, ärlik, welilik, pirlik derejesine ýetenler, pirler, keramatly adamlar. *Daňa ýakyn üç ýüz altmyş erenler şu ýerde jemlenişdiler* ("Görogly").

**EREŞMEK**, *işl.* Kem-kemden eremek. *Ýerde ýatan galyň gar kem-kemden ereşýär.*

**ERET**, *at.* Uly gämiler kenara gelende, ony berkitmek üçin ulanylýan we gorumyň dört tarapyndaky çykyp duran, başyna kenardan zyňlan tanaplar oralýan agaçlar; ýelkenli nawuň gapyrgalarynyň uçlary; gämini köprä ýa-da başga gämä daňmak üçin ýüpüň baglanýan ýeri.

**ERETMEK**, *işl.* **1**. Eremek derejesine ýetirmek. *Demir eretmek.* **2**. *göç.m.* Bedenine ýeňillik bermek, lezzet bermek. *Sesi güýçli doň ýüregi eretdi* (N. Pomma).

**EREWDE-BEREWLIK** [eröwdö-veröwlük], *at.* Gaýda-gaýmalaşyk, köpçülikleýin tertipsiz hereket, erem-ejemlik.

**EREZ**, *at, gepl.d.* **1**. Bir tarapa uzap gidýän giň bolmadyk belentlik, ulaşyp gidýän beýikli-pesli ýer. *Dag erezi*. **2**.Kürtä, hala salynýan nagyş we onuň ady.

**ERGENEK** [erğenek], *at.* **1**. Bir zadyň öňüne ýa-da daşyna edilen germew. **2**. Gapy; gözenek. *Garly ussa dükanyň ergenegini ýapdy-da, öýüne gaýtdy* (A. Gowşudow).

**ERGENEKSIZ** [erğeneksiz], *syp.* **1**. Germew edilmedik, germewsiz. **2**. Gapysyz; gözeneksiz. **3**. *göç.m.* Terbiýe görmedik, terbiýesiz, edepsiz. *Ergeneksiz eklenen, terbiýesiz saklanan* (Nakyl).

**ERGIN** [erğin], *syp.* **1**. Erän, doň däl. *Ergin ýag*. **2**. *at.* Bir ýa-da birnäçe gaty jisimleriň garyndysy.

**ERIK**, *at.* **1**. Bägüller maşgalasyndan bolan, miwe getirýän agaç, bag. **2**. Şol agajyň şänikli, sarymtyl-gyzyl öwüsýän süýji miwesi.

**ERIKGÜL** [erikgül], *at.* **1**. Erigiň gülüne meňzedilip hala, çuwala, kürtä we ş.m. salynýan nagyş. **2**. Gyza dakylýan at.

**ERIN**, *at.* Agzyň iki gapdal tarapynda dodaklaryň çowlanyp birleşýän ýeri; dodak.

◊ **Erni bir ýere gelmezlik** bir zada diýseň begenip, dylym-dylym etmek. *Täze köýnek geýen çagajygyň erni bir ýere gelenokdy.* **Erni gulagyna ýetmek** gaty gülmek. **Erniň erniňe degmezlik 1)** *ser.* **Erniňi ýygnap bilmezlik 2)** köp gürlemeklik, ýaňramaklyk, ýaňra bolmaklyk. **Erniňi ýygnap bilmezlik** gülkiň tutmak, köp gülmek. *Ol ernini ýygnap bilmän, ep-esli salym ýylgyryp durdy* (A. Durdyýew). **Erniň suwuny oňarmazlyk** elinden iş gelmezlik, nalajedeýin, emelsiz bolmaklyk. **Erni suwly** özüni oňarmaýan, lellim, sölpi, bihepbe, emelsiz. **Ernini oňarmaz** sölpi. **Erni ýygnanmaz** gülek. **Erni ýirik** gepçi, gybatkeş.

**ERINLEK**, *syp.* Erni uly, agzy uly. *At erinlek gerek, är – burunlak* (Nakyl).

**ERINMEK**, *kön.s.* Ýaltanmak, kyn görmek, irinmek.

**ERISGIN** [erisğin], *syp.* Joşup duran. *Eý, kyblagähim, baş ýoldaşym, Görogly, ösüp barýan ýaş oglanyň göwni erisgin bor* ("Görogly").

**ERIŞ**, *at.* Mata, haly dokamak üçin ýüwürdilýän ýüp ýa-da ýüplük. *Dokmaçy aýallaryň hemmesi erişden başlaryny galdyryp, aňka-taňka bolşup seredişdiler* (A. Durdyýew).

**ERIŞ-ARGAÇ** [erişarğaç], *at.* **1**. *ser.* **Eriş** we **Argaç**. **2**. Eriş bilen argaç ýaly biri-birine gaty ýakyn.

◊ **Eriş-argaç bolmak** eriş bilen argaç ýaly biri-biriniň içinden geçip durmak, üsti-üstüne bolup durmak. **Eriş-argaç bolup geçmek** aýry-aýry zatlar, wakalar başdan-aýak öňe saýlanmak, bolup geçmek. *Dostluk temasy şahyryň döredijiliginiň içinden eriş-argaç bolup geçýär.* **Eriş gaýnatmak** dokma ýüwürdilmezinden öň erşiň has berk bolmagy üçin ony gazanda gaýnatmak. **Erşi sagmak** dokma ýüwürdilende erşi çekip-süýndürip ýüwürtmek.

**ERIŞMEK**, *işl.* Topulyp ýapyşmak.

**ERJELLENMEK**, *işl.* Erjel bolmak, özüňi erjel alyp barmak. *Ol ýigit öňküsinden düýbünden üýtgäpdir, indi gaty erjellenipdir.*

**ERJEL**, *syp.* Bir işi ýerine ýetirmäge tutanýerli ýapyşýan, gaýduwsyz, hyjuwly, işjeň.

**ERJELLIK**, *at.* Erjel hasiýetli bolmaklyk, tutanýerlilik, maksada okgunlylyk.

**ERJEŞME**, *iş ady.* Erjeşmek ýagdaýy.

**ERJEŞMEK**, *işl.* Bir işe erjellik bilen baş goşmak; biriniň garşysyna çykmak, sürünmek, jedelleşmek, dawalaşmak. *Bermejek bolup erjeşme, özünem daňyp alyp gaýdyber* ("Görogly").

**ERK**, *at.* **1**. Öz islegiňi, öňüňde goýan maksadyňy amala aşyryp bilmek ukyby. **2**. Isleg, talap, ygtyýar.

◊ **Erk bermek** ygtyýar bermek, erkinlik bermek. **Erk etmek** özüňi ele almak, özüňe buýurmak ýa-da başga birine diýeniňi etdirmek. **Erki ele almak** – erkli bolmak, özüňe erk etmek. **Erkine goýmazlyk** azar bermek, diýeniňi etdirmek, biynjalyk etmek. **Erkini almak** birini özüňe boýun egdirmek, tabyn etmek.

**ERKANA** [erka:na], *syp.* Hiç kime dahylly, garaşly bolmadyk, azat, özbaşdak, arkaýyn, erkin. *Bu bir erkana ösen gyzdyr* (T. Gurbanow).

**ERKANALYK** [erka:nalyk], *at.* Erkana halda bolmaklyk, garaşsyzlyk, azatlyk; özbaşdaklyk, erkinlik. *Deňlik, erkanalyk, nurly gün üçin, Duşmanlara garşy göreş etdiler* (A. Kowusow).

**ERKEÇ**, *at.* Geçiniň bir ýaşyna ýeten erkek jynslysy. *Erkeç eti em bolar, geçi eti – ýel* (Nakyl).

**ERKEK**, *at.* **1**. Aýala garşylykly jynsdan bolan adam. ...*Gowaça düýplerini bejerip ýören aýallar, erkekler gaty kändi* (B. Seýtäkow). **2**. Inen düýä garşylykly jynsdan bolan mal. *Abdy erkekleri suwly çeleklere ýantap çökerişdirdi* (B. Gurbanow). **3**. *syp.* Urkaçy bolmadyk; erkeklik jynsyna degişli ösümlik, haýwan, guş we ş.m. **4**. *syp., göç.m.* Mert, edermen, gaýratly. *Erkek adam bolup ýaşajak bolgun* (B. Hudaýnazarow).

◊ **Erkek göbekli** uly-kiçi erkek adamlar. **Erkek käşir ýaly** ýaramsyz.

**ERKEKLERÇE**, *hal.*Erkek ýaly, mert, durnukly (alyp barmak).

**ERKEKLIK**, *at.* **1**. Erkek häsiýetine mahsuslyk, erkege degişlilik. *Bu ýagdaý erkeklik namysynyň iň inçe tarlaryna çenli burup çykdy* (T. Gurbanow). **2**. Erkek jynslylyk. **3**. *göç.m.* Batyrlyk, edermenlik, gaýratlylyk, mertlik. *Seniň babaňam, kakaňam erkekligi elden beren däldir* (B. Seýtäkow).

**ERKEN**, *k.d.* "Eken" manysynda gelýän kömekçi işlik.

**ERKIN**, *syp.* **1**. Erkana, hiç kime garaşly, tabyn bolmadyk, azat, özbaşdak. **2**. Kynçylyksyz, ýeňillik bilen, mejbury däl. **3**. *göç.m.* **4**. Adam ady.

**ERKINLIK**, *at.* Erkin halda bolmaklyk; özygtyýarlylyk, özbaşdaklyk. *Ynsanperwerlik, açyklyk, din erkinligi, beýleki halklaryň medeniýetine sarpa goýmak ýaly ýörelgeler türkmen häsiýetiniň esasyny düzýär* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr"). *Erkinlikden süňňi ýeňläp, Serdar dagy gidip barýar* (Ç. Aşyr).

**ERKINSIREMEK**, *işl.* Özüňi erkin alyp baran bolmak, özüňi erkin duýan bolmak, arkaýynsyramak. *Patyşanyň ýanynda erkinsirän Elbent bagşy oglany äsgermezlik edip, ädikli aýagynyň burny bilen Nejep janyň arkasyna depip goýberdi* ("Nejep oglan").

**ERK-ISLEG** [erk-isleğ], *ser.* **Erk we Isleg.** *Halkyň erk-islegi*

**ERKLI** [erikli], *syp.* Bir işi etmäge erk berlen, hukugy, erki bar bolan, ygtyýarly.

**ERKLILIK** [eriklilik], *at.*Erki barlyk, erksiz dällik.

**ERKSIZ** [eriksiz], *syp.* Hiç zada erki bolmadyk, bir işi etmäge hukugy, ygtyýary bolmadyk.

**ERKSIZLIK** [eriksizlik], *at.* Hiç zada erki ýokluk, bir işi etmäge hukugy, ygtyýary ýokluk. *Erksizlik erbet zat.*

**ERMEK**, *işl., k.d.* "Bolmak" manysynda gelýän kömekçi işlik. *Erer ol erkin mydam, budur türkmen binasy* (Magtymguly).

**ERMENI**, *ser.* **Ermeniler**. *Ermeni dili. Ermeni halky. Ermeni medeniýeti.*

**ERMENILER**, *at.* Ermenistanyň ilaty.

**ERŇEK**, *at.* Bir zadyň gyrasy, ýakasy, kenary. *Iki ýa üç arka aýlanýan palasyň erňekleri gemrilen bolsa, göwresi çapgy ýassygy ýaly kertim-kertimdi* (B. Kerbabaýew).

**ERŇEKLEMEK**, *işl.* **1**. Bir zadyň gyrasyny ýakalap, tutup durmak, bir ýeriň gyrasynda ýerleşmek. *Bu ýol derýanyň ileri kenaryny erňekläp oturan oba barýar.* **2**. Aýaklamak, ahyrlap barmak, gutaraňkyrlamak. *Ýyl erňekläp gelýärdi.*

**ERRE**, *at, kön.s.* Byçgy; ary. *Depesinden erre düşen Zekerýa* ("Seýpelmelek – Medhaljemal").

◊ **Erre-de teşe** biri-biri bilen gyr-tutuş, ala uruş, gyk-bak. *Boljagyňyzy bolupsyňyz, hemişe biri-biriňiz bilen erre-de teşe.*

**ERSDIRMEK** [erissirmek], *işl.* Üýtgetmek, hum ýaly çişirmek. *Ogulaýyň dogumly gürlemegi Enegüli ersdirdi* (R. Gelenow).

**ERSGIN** [erisğin]: **ersgin bolmak** köpelmek; güýçlenmek. *Ersgin bolup gitdi gyzylbaşymyz* (Magtymguly).

**ERSMEK** [erismek], *işl.* **1**. Baş galdyryp, köpçülikleýin suratda görnüp ugramak, köpçülikleýin aýak üstünde bolmak. *Bahar gelse, göçer baýlar, Gurt erser, şagal ýaýlar* (Talyby). **2**. Kesel beterlemek, ýetjek ýokary derejesine ýetmek (ýara, örgün hakynda). *Ýaraň ersipdir, ony derrew lukmana görkez.*

◊ **Ersip galmak** birden ösmek, boý almak. *Ýagyşdan soň otlar birden ersip galypdyr.*

**ERS-MERS** [eris-meris]: **ers-mers bolmak** ösmek, ulalmak, ösýäni, özgerýäni mese-mälim bildirmek. *Ol ers-mers bolup, derrew ulaldy.*

**ERTE**, *at,ser.* **Ertir 1**. *Ertesi gün Berdi aga eşegini münüp, şaýyny tutup geldi* (A. Durdyýew).

**ERTE-BIRIGÜN** [erte-vi:riğün], *hal.* Ertir ýa-da ondan soňky gün; ertir we onuň yz ýanyndaky gün. *Ynha erte-birigün mülk harmanymyzy alarys, iýerlik däne şondan galar* (B. Kerbabaýew). – *Erte-birigün getirseňem bolardy – diýdi* (A. Gowşudow).

**ERTEKI I**,*gepl. d.*, *ser.* **Ertirki 1**. *Erteki guýrukdan bu günki öýken ýagşy* (Nakyl).

**ERTEKI II**, *at.* **1**. Köplenç, jadyly, hyýaly, şeýle hem durmuşy wakalar beýan edilýän halk döredijilik eseri. *Garry ene gyzykly erteki aýtmaga başlady.* **2**. *gepl.d.* Hakyky däl, toslama, ýalan zat. *Bu aýdýanyň çyn gürrüň däl, ýöne bir erteki! Wä! Ine gerek bolsa erteki!* (B. Kerbabaýew).

◊ **Erteki otarmak** ýalan-ýaşryk sözlemek, bolar-bolgusyz gürrüňleri samahyllamak, ýok zatlary toslamak.

**ERTEKIÇI**, *at.* Köp erteki bilýän we olary gyzykly edip aýtmagy başarýan adam. *Biziň obamyzda bir garry ertekiçi bardy*.

**ERTIR** [erti:r], *hal., at, syp.* **1**. Dowam edýän günüň yz ýanyndaky gün, bu gün däl, geljekki gün, indiki gün, erte. *Men-ä ertir irden turmaly* (T. Gurbanow). **2**. Günüň, gündiziň başlanýan wagty, ir ertir. *Gerdişi keç gahba pelek elinden, Ertiri şat bolan öýlän gülmedi* (Magtymguly). *Saňa ertirden agşama çenli garaşdyk.* **3**. *at.* Ir ertiriň ady. *Agşamyň haýryndan – ertiriň şeri* (Atalar sozi). **4**. *syp*. Ir bilen içilýän çaý, ertirlik. *Remezan ertir çaýyny içip boldy-da, ojagyň başynda tirsegine ýaplanyp gyşardy* (B. Seýtäkow). **4**. *göç.m.* Geljek gün, erte. *Sen ertiriňi gaýgy edýän adam däl ahyry?!* **5**. Yslam dininde parz hasaplanýan bäş wagt namazyň ilkinjisiniň okalýan wagtynyň we şol namazyň ady. *Ýaşulular ertir namazyna durdular. Ol ertirini okady.*

◊ **Ertiriňiz haýyrly bolsun**! ″şu gün size peýda getirsin, bagt bersin, ýamanlyga ýüzüň düşmesin, işiňiz şowly bolsun″ diýen manylary aňladýan alkyş sözi. *Ertiriňiz haýyrly bolsun, goňşy!*

**ERTIRINE** [erti:rine], *hal.* Ertir ir bilen, irden.

**ERTIRKI** [erti:rki], *syp.***1**. Ertir boljak, şu günden soň gelýän gündäki. *Ertirki toýa taýýarlanýarys.* **2**.Irki, gün dogan wagtyndaky. *Şol janawaryň ertirki suwa ýakylyşydyr* (G. Kulyýew). **3**.*göç.m.* Geljekki günlerdäki. *Her kim özüniň ertirki durmuşynyň has gowy bolmagynyň umydy bilen ýaşaýar.*

**ERTIRLIK** [erti:rlik], *at.* **1**. Ir bilen, ertir bilen iýilýän nahar, ertir nahary. *Olaryň öýünde agşamlyk bolsa, ertirlik tapylmaýardy* (B. Kerbabaýew). *Gün dogmanka ukudan oýandy, hasyr-husur ertirlik edindi* (B. Öwezow). **2**. Ertir üçin gerekli, ertirki gün gerek bolan (zat). *Çörek bişirer ýaly ertirlik unumyz barmyka beri ýa gijrägem bolsa, dükana un almaga gitmeli bolarmyka?!*

**ES I**, *at, kön.s.* Aň, huş .

◊ **Essi aýylmak** huşuny ýitirmek, ysgyny gaçmak, özüňden gitmek, çaşmak. **Essinden gitmek** *ser.* **Essi aýylmak**. *Aýsoltan bu habary eşidip, bir nagra çekip, essinden gitdi* (″Görogly″).

**ES II**, Türkmen elipbiýiniň ″S″ harpynyň ady.

**ESAS** [esa:s], *at.***1**.Bir zadyň özeni, çeşmesi, düýbi. **2**.Bir zat üçin getirilýän delil, sebäp, tutaryk. *Ynanjyna esas agtarýan ýaly, töweregine göz aýlady* (G. Kulyýew).

**ESASAN** [esa:sa:n / esa:san], *giriş s.* Umuman alanyňda, bütinleý diýen ýaly; köplenç. *Kepir balygy, esasan, Hazar deňzinde duş gelýär* (″Türkmenistan″).

**ESASLANDYRMA** [esa:slannyrma], *iş ady.* Esaslandyrmak ýagdaýy.

**ESASLANDYRMAK** [esa:slannyrmak], *işl.* **1**. Bir zady subutnamalar bilen berkitmek, deliller getirip berkitmek, delillendirmek. *Öňe sürülýän pikiri ylmy taýdan esaslandyrmak.* **2**. Bir pikiriň, zadyň we ş.m. esasyny goýmak, düýbüni tutmak, döretmek. *Kärhanany esaslandyrmak*.

**ESASLANDYRYJY** [esa:slannyryjy], *at.* Bir zadyň esasyny goýan, düýbüni tutan, bir zady döreden, ýokdan bar eden adam. *Nazaryýeti esaslandyryjy. Kärhanany esaslandyryjy*.

**ESASLANDYRYLMAK** [esa:slannyrylmak], *işl.* Bir zat subutnamalar bilen berkidilmek, delillendirilmek.

**ESASLANMA** [esa:slanma] **I**, *at.* Tutaryk edilýän, delil bolup bilýän pikir.

**ESASLANMA** [esa:slanma] **II**, *iş ady.* Esaslanmak ýagdaýy.

**ESASLANMAK** [esa:slanmak], *işl.* Bir pikiri we ş.m. zady esas edinmek, bir pikire daýanmak, tutaryk edinmek.

**ESASLY** [esa:sly], *syp.* Degerli deliller bilen tassyklaýan, ynandyryjy subutnamalar bilen esaslandyrylan. *Şonuň üçin-de onuň öňünde nähili alyp barmak barada onuň aladalanyşy esaslydy* (B. Seýtäkow).

**ESASLYK** [esa:slyk]: **esaslyk maýa** ýuridik şahs döredilende onuň işini üpjün etmek üçin esaslandyryjy resminamalarda kesgitlenen möçberlerde umumy emlägiň pul bahasy, kesgitlenen emläk we başga hukuklar.

**ESASLYLYK** [esa:slylyk], *at.* Esasy barlyk.

**ESASNAMA** [esa:sna:ma], *at.* Bir zadyň işleniş, ýerine ýetiriliş tertibini ýola goýýan düzgün-kadalar ýazgysy, tertipnama.

**ESASSYZ** [esa:ssyz], *syp.* Esasy bolmadyk, delilsiz. *Esassyz töwekgelçilik.*

**ESASSYZLYK** [esa:ssyzlyk], *at.* Bir pikiri we ş.m. zady tassyklamaga esas ýokluk, esassyz bolmaklyk, delilsizlik.

**ESASY** [esa:sy], *syp.* Has möhüm; baş. *Esasy ýörelge. Esasy maksat. Esasy kanun (konstitusiýa). Esasy ylmy işgär.*

**ESBAP** [esva:p], *at.* **1**. Bir işi, hereketi amala aşyrmak üçin gerek bolan serişde; bir zadyň möhüm bölümi bolan zat, gural. *Ussa esbaplaryn eline alyp, Çykdy üç gat jaýyň belent başyna* (A. Kowusow). **2**. Eşik, geýim-gejim, lybas. *Borç eýle, esbabyň düzet, Gezme ýyrtyk jinde bile* (Talyby). **3**. Öýüň goş-golamy, enjamy. *Indi ol öz öýi üçin gerek bolan esbaplarynyň eýesi boldy* (B. Seýtäkow).

◊ **Görkezme esbap** sapakda geçilýän temany maksada laýyk düşündirmek üçin gerek bolan enjam, serişde. *Olar bir salym görkezme esbaplary süpürişdirdiler* (N. Esenmyradow).

**ESE-BOÝA** [ese-voýa]**: ese-boýa galmak** ösmek, ösüp ýetişmek, ulalmak.

**ESEDILMEK**, *işl.,gepl.d.* **1**. Seredilmek, äňedilmek, garalmak. **2**. Esewan bolunmak, gözegçilik edilmek.

**ESEDIŞDIRMEK**, *işl., gepl.d.* Bir ýanyndan seredip çykmak, hemmesine seretmek.

**ESEDIŞMEK**, *işl., gepl.d.* Bilelikde esetmek.

**ESELME**, *iş ady.* Eselmek ýagdaýy.

**ESELMEK**, *işl.* **1**. *kön. s.* Ösmek, boý almak, ulalmak. **2**. *göç.m.* Özüňi hondanbärsi tutmak, gomparmak, göterilmek. *Ol üstünligi göterinip bilýän adam däl, azajyk zat üçin eseliberýär.*

**ESELMEZLIK**, *işl.* Özüňi hondanbärsi tutmazlyk, gomparmazlyk, göterilmezlik.

**ESEN**, *at.* **1**. Sag-gurgun, sag-salamat; aman. *Ýigit başy esen bolsa, Mally bolar, malsyz bolar* ("Görogly"). **2**. Oglana dakylýan at.

**ESENLIK**, *at.* Amanlyk, saglyk, sag-salamatlyk. – *Amanlykmy, oglum, esenlikmi?*

**ESENTANYŞ**, *at.* Öňden hiç hili tanyşlygy bolmadyk, tanamaýan adamy bilen edil tanyş ýaly hereket edýän adam. *Ol edil esentanyş ýaly meniň ýanyma geldi.*

**ESER I**, *at.* Döredijilik zähmetiniň önümi; şahyryň, ýazyjynyň, heýkeltaraşyň, suratçynyň we beýleki döredijilik adamynyň döreden işi. *Magtymgulynyň eserleri.*

**ESER** [eser / heser] **II**, *at, k.d.* Täsir, güýç. *Yşkyň eseri.*

◊ **Eser etmek** täsiri ýetmek. *Yşk eser etmese, ýanmaz çyraglar* (Magtymguly).

**ESERDEŇ**, *syp.* Seresap, pähimli hereket edýän, ägä, hüşgär. *Eserdeň bolmak. Eserdeň adam.*

**ESERDEŇLIK**, *at.* Eserdeň bolmaklyk, seresaplylyk, hüşgärlik, ägälik.

**ESETDIRMEK**, *işl., gepl.d.* Seretdirmek, bakdyrmak, garatmak.

**ESETME**, *iş ady.* Esetmek ýagdaýy.

**ESETMEK**, *işl., gepl.d.* **1**. Birini ýa-da bir zady görmek maksady bilen şoňa seretmek, äňetmek, garamak. *Maral oňa ýylgyrjaklap esetdi*. **2**. Birine ýa-da bir zada esewan bolmak., gözegçilik etmek.

**ESEWAN** [esewa:n], *at.* Biri ýa-da bir zat barada edilýän alada, gözegçilik. *Çaga esewan etmek. Daş-töwerekden esewan bolmak.*

**ESEWANÇYLYK** [esewa:nçylyk], *at.* Esewan bolmak işi. Biziň *esewançylyk edýän ýerimiz gül ýalydyr.*

**ESEWANLYK** [esewa:nlyk], *at.* Bir ýa-da bir zat barada alada etmeklik, göz-gulak bolmaklyk, esewan bolmaklyk.

**ESGER** [esğer], *at.* **1**. Goşunyň kiçi harby gullukçysy. **2**. Umuman, harby gullukçy. *Baş eýledim esgere, han Hojamberdi seni!* (Şabende).

**ESGERI** [esğeri], *at.* Üzümiň bir görnüşi.

**ESGERLIK** [esğerlik], *at.* Harby gullukçynyň ýagdaýy, harby gulluk. *Esgerlige gidýän ol gün, Hatar-hatar hem sap-sapdy* (Ç. Aşyr).

**ESGI** [esği], *at.* **1**. Köne mata bölegi, ownuk-uşak mata bölegi. **2**. *kön.s.* Köne.

◊ **Esgi ýaly** tagamy-tagsyry ýok, iýer ýaly däl. *Gawun güne ýatan bolsa gerek, edil esgi ýaly-da.*

**ESKIMOS** [eskimo:s], *ser.* **Eskimoslar**.

**ESKIMOSLAR** [eskimo:slor], *at.* Çukotka ýarym adasynyň kenarlarynda, Demirgazyk Amerikanyň Arktika kenarynda we Grenlandiýada ýaşaýan halk.

**ESLI**, *syp.* Mukdary, möçberi boýunça köp, ep-esli. *Esli salym sesini çykarman oturdy*.

**ESREK** [esrek], *syp.* **1**. Içki taýdan joşgunly ýagdaýda bolan, lummur-lummur edip ses çykarýan, köp esreýän, kükregen. *Esrek erkek.* **2**. Mes; mesirgän, aýbygadym.

**ESREMEK** [esiremek], *işl.* **1**. Lummur-lummur edip ses çykarmak, kükremek (erkek, iner hakynda). *Çille mesi bolan gara erkek içini çekip, agzyny ak köpük edip esreýärdi* (N. Pomma). **2**. *göç.m.* Çendenaşa mes bolmak, mesirgemek, duýgy taýdan joşgunly ýagdaýda bolmak (adam hakynda).

**ESREŞMEK** [esireşmek], *işl.* Köpçülikleýin esremek, bilelikde esremek.

**ESRETMEK** [esiretmek], *işl.* Kükretmek.

**ESRIK** [esrik], *syp., ser.* **Esrek**. *Esrik ner dek ak köpükler saçypdyr* (Magtymguly).

**ESSALAWMALEÝKIM** [essalowma:leýkim], Birine salamlaşmak üçin ýüzlenilende aýdylýan edep sözi (erkek adamlar tarapyndan berilýän salam.).

**ESSAGPYRALLA** [essağpyralla: / essa:pyralla:], *at, ser.* **Estagpyralla**.

**ESSE**, *hal.* Öňki mukdaryndan, göwrüminden şonça gezek köp (100 % köp); üstesine, ýene öňküsi ýaly artyk. *Iki esse. Üç esse.*

◊ **Essesi bilen** üstesine ýene şonça möçberde, sonça mukdarda. *Maňa bir gysym tohumlyk garpyz çigidini berseň, soň essesi bilen gaýtararyn*. **Esse ýarym** üstesine şonça möçberde we ýene şonuň ýarysy.**Ýarym esse** bir zadyň öňki möçberiniň, mukdarynyň ýary.

**ESSELIK**, *syp*. Essä deň.

**EST**, *at, kön. s., ser.* **Es**. *Keýwan geler estime, baksam ki gara gözlere* (Magtymguly).

**ESTAGPYRALLA** [estağpyralla:/essa:pyralla:], *at.* "Ýalkamagy, günämi geçmegi Alladan haýyş edýärin!" diýen manydaky toba sözi.

**ESTON** [esto:n], *at,ser.* **Estonlar**. *Eston dili.*

**ESTONLAR** [esto:nlor], *at.* Estoniýanyň esasy ilaty.

**EŞ**, *at, kön.s.* Dost, ýoldaş; ýanýoldaş.

**EŞEGARKA** [eşeğarka], *at.* Jaýyň üstüniň iki tarapy ýapgyt edilip ýapylýan görnüşi, eşekgeriş. *Jaýyň üstüni eşegarka edip ýapdyk.*

**EŞEGARY** [eşeğary], *at.* Uly sargylt-gyzyl ary.

**EŞEK I**, *at.* **1**. Münmek ýa-da ýük ýüklemek üçin gylýallar maşgalasyndan bolan pes boýly, uly kelleli, uzyn gulakly haýwan. *Ölme eşegim, ýaz geler, Ýorunja dyzdan bolar* (Nakyl). **2**. Kirişli saz gurallarynyň kirşiniň aşagynda goýulýan kiçijik agaç bölegi, ýassyjak. *Dutara eşek ýasamak*. **3**. Üstünde bedenterbiýe maşklary ýerine ýetirilýän esbap. **4**. Boý ýeterden belentdäki ýerlerde gurluşyk, abatlaýyş işlerini ýerine ýetirmek üçin üstüne çykylyp işlenýän, köplenç, agaçdan edilýän hojalyk enjamy. **5**. Betgylyk, bethäsiýet adamlara käýinip aýdylýan söz. *Eşek hiç zat edip bilmändir-ow!* (B. Seýtäkow).

◊ **Eşek arka** hiç kim bilen arkalaşyk etmeýän, arkalaşmaýan, ylalaşmaýan (oňşuksyz adam hakda). *Eşek arka adam.* **Eşegiň gulagyna ýasyn çykan (okan) ýaly** aýtdyň-aýtmadyň bir, peýdasy ýok, azaryna däl. *Edil eşegiň gulagyna ýasyn okap duran ýaly* (G. Gurbansähedow). **Eşegiň guýrugy ýere ýetende** amala aşmajak, hiç mahal yzy gelmejek, durmuşa geçmejek zat hakda. **Eşekden palan alança-da görmezlik** bir işi aňsatlyk bilen ýerine ýetirmek, kyn görmezlik. **Eşekden ýykylan ýaly etmek** duýdansyzlykda kynçylyga uçratmak, ör-gökden getirmek. *Bu habar ony eşekden ýykylan ýaly etdi.* **Eşek eşekden galsa, gulagynam kes, guýrugynam** bir ýa birnäçe adam başda birinden (başgalardan) kem galmajak bolup, onuň (olaryň) edýän işini etse ýa-da edesi gelýän bolsa, şunuň ýaly ýagdaýy görüp duran adam tarapyndan aýdylýar. **Eşek tozanyny etmek** çilim çekmek, tüsselemek. *Şunuň ýaly işiň agyrrak günlerinde eşek tozanyny ýygy-ýygydan edäýmämiz bar* (K. Berdiýew). **Eşege ters mündürmek** ile masgara etmek, ilden çykarmak, göz-gülban etmek. *Eşege ters mündürip, yzyma it salaýmasa ýagşydyr* (N. Saryhanow). **Eşegi dikgirdemek** işi şowuna bolmak, edeni ugruna bolmak. *Onuň şu günler eşegi dikgirdäpdir.* **Eşegini ýola gatmak** dürs ýola düşmek, ile gatyşmak, pälinden gaýtmak, düzelmek. *Ol hem eşegini mazaly ýola gatdy*. **Bardym eşek** – **geldim eşek** hiç bir iş etmezlik, işläp gönendirmezlik, işlemän hak almak.

**EŞEK II**, *at.* Jykyryň oklaryny göterýän agaç. *Oklar eşegiň üstünde durýar.*

**EŞEKÇI**, *at.* Köpçülikleýin çaga oýunlarynda bijesi galyp, jerime çekýän oýunçy ýa-da tarap.

**EŞEKGERIŞ**, *ser.* **Eşegarka**. *Eşekgeriş çertegi, gazygynyň töwereginde aýlanjyrap duran aty synlady* (G. Kulyýew).

**EŞEKLI**, *syp*., *at*. **1**. Eşegi bar. *Eşekli eşegine münüp gitdi*. **2**. Eşege münen; eşekli barýan adam. *Ol taýharyň böwrüne debsäp, gerşine dürtüp, şol eşekleriň yzy bilen haýdap barýarka, birden akylyna aýlandy* (B. Kerbabaýew).

**EŞEKLIJE,** *syp*. Eşejigine münüp barýan. *Tak-tak etdim, dalak iýdim, Pök-pök etdim, böwrek iýdim, Gagyldap oturan gargany iýdim, Eşeklije babany iýdim* ("Böwenjik" ertekisi).

**EŞEKÝASSYK**, *at.* Köp aýakly, ýasyja, kül reňkindäki mör-möjek.

**EŞEKÝORUNJA** [eşekýorunjo], *at.* Boýy 1*m* ýetýän ikiýyllyk ýabany ot, ýabany ýorunjanyň bir görnüşi.

**EŞEN**, *at.* Mal guzlanda düşýän içi suwuklykdan doly ýuka barda.

**EŞIDILMEK**, *işl.* **1**. Gulagyň bilen eşitmek, gulaga ilmek. *Aýdym-sazyň sesi eşidildi*. **2**. Mälim bolmak, aýan bolmak, bilinmek. *Onuň ertir irden şähere geljekdigi eşidildi*.

**EŞIDIŞMEK**, *işl.* Biri-biriňden eşitmek, biri-biriňe habar bermek. *Ol habary eýýäm eşidişipdirler.*

**EŞIK**, *at.* **1**. Adamyň egnine geýýän geýimi, eginbaş, geýim, lybas. *Ol tomus günleri, köplenç, şol eşikde gezerdi* (A. Durdyýew). *Onuň egnindäki eşigi sal-saldy* (B. Seýtäkow). **2**. Gara öýüň ýa-da atyň üstüne ýapylýan keçe, üst örtügi.

**EŞIKLEMEK**, *işl.* **1**. Eşik bilen örtmek, üstüne eşik ýapmak, eşikli etmek. *Seýislenýän aty eşiklemek*. **2**. Her hili egin-eşik tikip bermek ýa-da alyp bermek, eşik bilen üpjün etmek. *Ýaş gelin çagajyklaryny eşiklänine begenýärdi.*

**EŞIKLIK,** *at.* **1**. Eşik tikmek üçin niýetlenen (mata). **2.** *ser.* Öňlük.

**EŞIKLENMEK**, *işl.* Üstüne eşik örtülmek. *Gara öý eşiklendi*.

**EŞIKLEŞMEK**, *işl.* Üstüne eşik örtüşmek.

**EŞIKLETMEK**, *işl.* **1**. Üstüne eşik ýapdyrmak. **2**. Eşikli etdirmek.

**EŞITDIRMEK**, *işl.* **1**. Bir zady eşider ýaly etmek, eşitmegini gazanmak. *Ol yzdakylara eşitdirip gepledi*. **2**. Bir zady habar bermek, mälim etmek. *Ol muny her kime eşitdiripdir*. **3**. Bir zady diňletmek, diňlär ýaly, gulak salar ýaly etmek. *Saz eşitdirmek*.

**EŞITGIR**, *syp.* Gulagy gowy, ýiti eşidýän.

**EŞITME**, *iş ady.* Eşitmek ýagdaýy.

**EŞITMEK**, *işl.* **1**. Sesi gulagyň bilen kabul etmek. *Eşiden deň bolmaz, gören göz bilen* (Nakyl). **2**. Diňlemek, gulak salmak. *Ýazyjynyň gürrüňini radiodan eşitdik.* **3**. Bir habary, maglumaty bilmek. *Men bu habary öňräk eşitdim*.

**EŞITMEZLIK**, *işl.* **1**. Eşitmek ukyby bolmazlyk (*ser*. **Esitmek 1**). **2**. Habarsyz galmaklyk, eşitmän galmak.

◊ **Eşitmezlige salmak** ýalandan eşitmedik bolmak, eşitmediksiremek. *Näme üçin özüňe ýaramajak sözi eşitmezlige salýaň?*

**EŞREPI** [eşirepi], *at.* **1**. Geçmişde ulanylan gyzyl, tylla pul birligi. *Olaryň üstünde ýüki eşrepi ýa zer bolmasa* (Mätäji). **2**. Eýjejik, gowuja. *Bir eşrepi çagaň dilleri bilen Hoşlaşdym. Hoşlaşdym şum Uruş bilen - Ähli uruşlaryň eýmenji bilen...* (K. Gurbannepesow).

◊ **Eşrepi ýaly** örän gowy, gymmatly, eý görülýän, arzyly. *Ýygymçy öz atyzyndaky pagtany eşrepi ýaly tutar. Eşrepi ýaly çagajyk.*

**EŞRET** [eşiret], *at.* **1**. Sapaly durmuş; durmuşyň höziri; halk köpçüliginiň isleglerini kanagatlandyrmaga ýardam edýän haýyrly serişde, maddy bolluk, baýlyk, hözir. *Döwletimiziň obadyr-şäherlerinde adamlaryň eşreti üçin täze-täze ymaratlar bina edilýär.*

**EŞRETLI** [eşiretli], *syp.* Eşreti bar bolan, rahatlygy bar bolan, sapaly, hözirli. *Eşretli durmuş.*

**EŞRETLILIK** [eşiretlilik], *at.* Eşreti barlyk. *Durmuşyň eşretliligi.*

**EŞRETSIZ** [eşiressiz], *syp.* Eşreti ýok bolan. *Eşretsiz ýaşaýyş.*

**EŞRETSIZLIK** [eşiressizlik], *at.* Eşreti ýokluk.

**ET**, *at.* **1**. Adamyň ýa-da haýwanyň bedeniniň öýjüklerden ybarat bolan, ýygrylmaga ukyply teni, muskul, myşsa. **2**. Iýmit, nahar üçin iýilýän haýwan läşi ýa-da läşiň bölekleri. *Jüýje etinden taýýarlanan kebap*. **3**. Gawun, garpyz ýaly bakja ekinleriniň iýilýän bölegi. *Galanyň düýbünde bir gawun iýdim, Etini iýdim-de paçagny goýdum* (Halk aýdymyndan).

◊ **Et ýagly bolsun**! mal öldürip duran adama edilýän dileg. **Et gelmek** semremek, guratlanmak. *Ýaly ýognap, sagrysyna et gelse, Bäş baýtal deregin ödär Bozduman* (Talyby). **Eti bitin** gurat, sagdyn, dolmuş. **Etinden ötüp**, **süňküne ýetmek** degnasyna degmek, bez bolmak, halys irmek. *Bu gykylyk çopanyň etinden ötüp, süňküne ýetipdi* (B. Kerbabaýew). **Etine çykmak** *ser.* **Etine-ganyna gelmek**. **Etine-ganyna gelmek** semremek. *Ertir gidip agşam gelýän Tulparyň şähdi açylypdyr, etine-ganyna gelipdir* (B. Kerbabaýew). **Etini iýmek** birine gahar-gazap bilen käýemek, biriniň üstüne gazap bilen gygyrmak. **Agaç et** syrdam görnüşli, semiz bolmadyk.

**ETAGAT** [eta:ğat], *kön. s.* Birine boýun egme, boýun bolma.

◊ **Etagat etmek** boýun bolmak. *Ol uly göwresini kiçeldip, etagat ediji bir ýagdaýda yzyna öwrülip durdy* (B. Kerbabaýew).

**ETÇI**, *at.* **1**. Et satýan adam. **2**. Et iýmegi gowy görýän adam.

**ETÇIL**, *syp.* Eti iýmegi gowy görýän (adam).

**ETDIRMEK**, *işl.* Bir işi amala aşyrtmak, ýerine ýetirtmek, ýüze çykartmak. *Öz oňarmadygyny ile ýalbaryp etdirer weli, siziň göwnüňizi galdyrmaz* (B. Seýtäkow).

**ETDIRTMEK**, *işl.* Birine bir işi etdirmegi başarmak.

**ETEK**, *at.* **1**. Köýnegiň iň aşaky bölegi, aşak gyrasy. *Jiltgäniň astyndan uzyn köýneginiň etekleri çykyşyp durdy* (G. Kulyýew). **2**. Tahýa, telpek we ş.m. baş geýimleriniň aşaky bölegi. *Tahýanyň etegi.* **3**. Bir ýeriň çeti, gyrasy, utgaşyp gidýän ýeri; düzlügiň daga, guma baryp direýän ýeri.*Köpetdagyň etegi. Gumuň etegi. Obanyň etegi.*

◊ **Etegi gelmek (gitmek)** aýal maşgalanyň bili açylyp, gany güýçli akmak. **Etegindäki daşy dökmek** kine saklamagy bes etmek, içiňi döküp köşeşmek. *Dök etekden daşyňy, aby haýýatym gitmegil, Bizi bu gamda goýup, nurbat-amanym gitmegil* (Talyby). **Etek alty**, **ýeň ýedi** ýetişiksiz günde, gara başyna gaý, alňasak, başagaý, aljyraňňy. *Çopanlar etek alty, ýeň ýedi bolşup, Genjim begiň ýanyna bardylar* ("Görogly").

**ETEKLEMEK**, *işl.* **1**. Bir ýeriň etegi, aýak ujy bilen gitmek, ýakalap gitmek. *Şory eteklāp, iki kilometr dagy gidýänçäk hiçimizem geplemedik* (H. Garabaýew). **2**. Etege salyp almak, etege syganyny guýmak. *Oglanjyk ýygan almalaryny eteklap daşady.*

**ETENE**, *syp.* Heniz per, ýelek çykarmadyk (guş çagasy hakynda). *Höwürtgedäki ýumurtgajyklary iýmegi, etene çagajyklary awlamagy örän gowy görýän jandarlaryň biri-de ýylandyr* (B. Gurbanow).

**ETIKME**, *iş ady.* Etikmek ýagdaýy.

**ETIKMEK**, *işl.* Özüni tutup başlamak, daýanmak *Gaýyn enesi gelnine: "Suw ýaly çagaňy öýden çykaryjy bolmagyn, etigip, gözi gara düşýänçä kän bir gezdirmäweri" diýdi.*

**ETIR-TÜTÜR** [etir-tütür]: **etir-tüturini düzetmek** bir zadyň ownuk-uşak zatlaryny alyşdyrmak, esasy däl işlerini etmek, bitirmek.

**ETLEK**, *syp.* **1**.Semiz, ýogyn, etli-ganly. *Etlek pyýada.* **2**. Galyň, küti. *Etlek dodak.*

**ETLI**, *syp.* Etden taýýarlanan, eti köp bolan, eti bar bolan. *Etli nahar.*

**ETLI-GANLY** [etli-ğa:nly], *syp.* Göze doly görünýän, sagdyn, dolmaç, ýogyn. *Gülsüm eje öz süňňüne gurp edip bilýän etli-ganly aýaldy* (Ç. Matalow).

**ETLIK**, *at.* Uly balyk tutmak üçin ujy gaňtarylan iki dişli demir gural.

**ETMEK**, *işl.* **1**. Bir işi ýerine ýetirmek, amala aşyrmak. *Hasyr-husur edýän işimi goýdum* (B. Japarow). **2**. Taýýarlamak, bişirmek (nahar hakynda). *Ejeňe aýt, towukly palaw etsin* (B. Seýtäkow). **3**. Bir zady öndürmek, işläp çykarmak, ýasamak. *Jaýyň agramly bölegini özümiz etdik.* **4**. Isimlerden soň *etmek* kömekçi işligi gelip, analitik işlik ýasalýar: **Açyş etmek** täze zat oýlap tapmak, bir üýtgeşik zat döretmek. **Adam etmek** terbiýelemek, ösdürip ýetişdirmek. **Agalyk etmek** **1)** hökümdarlyk etmek, dolandyrmak, höküm ýöretmek. **2)** aga mahsus işleri etmek, aga bolup ýolbaşçy bolmak. **Akyl etmek** düşünmek, göz ýetirmek. **Alaç etmek** çäre görmek, meseläni çözmek. **Alada etmek** biynjalyk bolmak, aladalanmak. **Amal etmek** ýerine ýetirmek. **Aň etmek** düşünmek; üns bermek. **Arz etmek** arzyňy aýtmak, kinäňi aýtmak. **Arzuw etmek** islemek, küýsemek. **Aýan etmek** ýüze çykarmak, anyklamak, bildirmek, görkezmek. **Aýdym-saz etmek** aýdym aýtmak, saz çalmak, şagalaň gurnamak. **Aýyl-saýyl etmek** anyklamak, ýüze çykarmak. **Azat etmek** erkinlige çykarmak. **Bagyş etmek** bir zady birine niýetlemek, bermek. **4**. Hal işliginiň – *ip* goşulmasyny kabul eden *etmek* işliginden soň *bolmak* işligi gelip, analitik işlik ýasalýar: **Edip bolmak** bir işi ýerine ýetirmek, gutarmak. *Soňlaşyp durmaly-da, işiň galan bölegini hem edip bolaýaly.*

◊ **Edenine däl diýmezlik** birine eden işiň bolanok diýmezlik. *Edenine däl diýilmän ulaldylan çaganyň häsiýeti agyr bolýar.* **Edip görkezmek** iş etmek, işi ýa-da başga bir hereketi edip bilýändigiňi subut etmek, her bir zada hötde gelmek. *Her bir zady edip görkezseň, diliň gysga bolmaz*. **Etdim adyny etmek** eden işiňi çalak-çulak ýerine ýetirmek, "eden bolsa bolýa-da" diýdirmek üçin etmek, möwsüm sowan etmek. *Otag otaýşyňam bolýa-da ýöne, etdim adyny etmekden başga zat däl.* **Gara ýer etmek** kiçeltmek, peseltmek, sylamazlyk, abraýdan düşürmek. **Göwün etmek** tama eden zadyň amala aşmansoň kine saklamak. **Göwün-garyn etmek** garaşan zadyň çykmansoň gaty görmek. *Menden göwün-garyn etjek bolma.* **Öýli-işikli etmek** öýermek, öýlendirmek. **Ses etmek** ýas ýerinde aglamak. **Ýer bilen ýegsan etmek** derbi-dagyn etmek, ýok etmek. **Ýüňsakgal etmek** sözünde durmazlyk, başga biriniň öňünde dilini gysga etmek, masgara bolmak, ýalançy bolmak, aldamak.

**ETMIŞ**, *at.* Biri tarapyndan nädogry edilen hereket, ýazgarylmaly iş, günä. *Birdenem Aýlynyň eden etmişine daşyndan namys edip, bokurdagy doldy* (T. Gurbanow).

**ETMIŞLI**, *syp.* Etmişi bar bolan, günäli, aýyply, günäkär. *Şeýle etmişli adam bilen öz durmuşyňy baglap oturma* (Ç. Aşyr).

**ETNIKI** [e:tniki], *syp*. Haýsydyr bir halka degişli.

**ETRAP** [etyra:p], *at.* **1**. Welaýatyň ýa-da şäheriň kiçi administratiw-dolandyryş bölegi. **2**. Sebit, töwerek, gapdal, dumly-duş, her tarap. *Ol ýurduň etrabyna garawul goýup erdiler* ("Saýatly – Hemra").

**ETSEM** [essem], *at, ser.* **Etsem-pessem**. *Indi bu ýaşlygam ötüşip barýar, Etsemim bar bolsa, boldy bir çeni* (G. Ezizow).

**ETSEM-GOÝSAM** [essem-ğoýsom], *at*, *ser.* **Etsem-petsem**.

**ETSEM-PETSEM** [essem-pessem], *at*. Amala aşyrmak üçin niýet edilýän iş, zat, etsem-goýsam. *Tolgunmadan ýaňa ol birbada şeýle pursatlarda uzyn gije taýýarlanyp oturan etsem-petsemlerini-de ýadyndan çykardy* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Älem içre at gezer", 9 s.).

**EÝ** [e:ý],Uzagrak ýerde duran birine habar gatylanda ýa-da birine ýüz tutulyp gygyrylanda ulanylýan ümlük. *Eý, inim, şu piliňi maňa beräýseň, ini hakyny hakladygyň bolardy* (K. Jumaýew).

**EÝ** [eý], *üml*. **I** Ýokary içki duýgyny ýüze çykarmak üçin ulanylýan ümlük (birine ýüzlenilende gabat gelýär). *Eý, ynsanperwerlik, ýaşa sen, ýaşa!* (B. Hudaýnazarow).

**EÝ II**, *hal*.Gowy, eziz.

◊ **Eý görmek** eziz görmek, söýmek, gowy görmek. *Adamyň eý gören, ynanan zady / Bir gara da*ş bolup çökýär ýüregne (G. Ezizow).

**EÝ III**, *at.* Derini, hamy işläp bejermek üçin ulanylýan ýörite taýýarlanan garyndy we eýlemek işi. *Derä eý bermek.*

◊ **Eýini ýetirmek** temmi bermek, suwuna degmek; urmak, ýençmek. **Eýi ýetmek** ýeterlik eý berilmek, gowy eýlemek. *Eýi ýeten ýuka teletin*.

**EÝDIP-BEÝDIP**, *hal*. Dürli ýol bilen, kynçylyk bilen. *Eýdip-beýdip ahyry okuwy gutardym.*

**EÝE**, *at.* **1**. Bir zada hojaýynlyk ediji, eýelik ediji hojaýyn. *Mal eýesine çekmese – şumluk* (Nakyl). **2**. Sözlemiň *kim?, näme?, nire?* diýen soraga jogap bolup gelýän baş agzasy. **3**. Arwah, jyn.

◊ **Eýe bolmak** *ser.* **Eýelik etmek 2**. *Çempion adyna eýe bolmak. Üstünliklere eýe bolmak.* **Eýe ýaly** alyp-ýolup barýan, öz peýdasyna haku-nähak hereket edýän, gereginden öte dogumly, jyn ýaly. *Pylanynyň ogly edil eýe ýaly, daşa daňsaňam başyny çarajak.*

**EÝEÇILIK**, *at.* **1**. Haýsydyr bir zadyň kimdir birine ygtyýar etmek hukugy, degişliligi. *Hususy eýeçilik. Şahsy eýeçilik. Döwlet eýeçiligi.* **2**. Göz-gulak bolmaklyk, ugruna seretmeklik, ideg. *Mala eýeçilik gerek.*

◊ **Eýeçilik gözi bilen garamak** her bir zada öz zadyň hökmünde seretmek.

**EÝELEMEK**, *işl.* **1**. Bir zada eýe bolmak, öz ygtyýaryňa geçirmek, bir zady özüňki etmek. *Jaýy bütinleý özüm eýeledim*. **2**. Güýç bilen basyp almak. *Nemes basybalyjylary basym obanyň daşyny gabap, ony eýelediler* (G. Kulyýew). **3**. Bir ýerde jaýlaşmak, ýerleşmek, ornaşmak. *Gelin-gyzlar suwuň akaba tarapyny eýeläp, özbaşlaryna hümürdeşip durdular* (G. Kulyýew). **4**. Gaplap almak, tutuş örtmek, büremek. *Şatlyk ornuny gahar bilen gynanç eýeledi* (A. Gurbanow).

**EÝELENMEK**, *işl.* **1**. Öz ygtyýaryňa, öz tarapyňa geçirilmek. *Ol jaý bireýýäm eýelenipdir*. **2**. Güýç bilen basyp almak. **3**. Eýeli edilmek, bellenmek. *Diwara golaý goýlan sanlyja oturgyçlar eýýäm eýelenipdi* ("Edebiýat we sungat").

**EÝELETDIRMEK**, *işl.* **1**. Bir zada eýe boldurtmak, ele geçirtdirmek, eýe bolunmagyny gazanmak. **2**. Basyp aldyrtmak. **3**. Belletdirtmek.

**EÝELETMEK**, *işl.* **1**. Bir zada eýe boldurmak, bir zady ele aldyrmak. **2**. Basyp aldyrmak. **3**. Eýeli etdirmek, belletmek (belli bir ýer, orun hakynda).

**EÝELI**, *syp.* **1**. Eýesi bar bolan, eýelik edilýän, eýelenen. *Eýeli orun. Eýeli otag.* **2**. Arwahy, jyny bolan (köne gala, haraba we ş.m. ýer hakynda). *...Ol eýeli harabanyň üstünden geçmeli boldy* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Eýeli sözlem** eýesi bar bolan sözlem.

**EÝELIK**, *at.* Bir zada eýe bolmaklyk, eýe boluş ýagdaýy.

◊ **Eýelik düşüm** *kimiň?, nämäniň?, niräniň?* diýen soraglara jogap bolýan düşüm. **Eýelik etmek 1)** haýsy hem bolsa bir zada eýe çykmak, eýesi hökmünde göz-gulak bolup durmak. *Guýulara eýelik ederis* ("Edebiýat we sungat"). **2)** bir derejä ýetmek.

**EÝEMSILIK**, *at.* Bir zadyň eýesi bolan bolmaklyk, özüňi hondanbärsi tutup hojaýynsyramaklyk. *Tamyň önüne çykyp, eýemsilik bilen töwerek-daşyna göz gezdirdi* (B. Seýtäkow).

**EÝEMSIREME**, *iş ady.* Eýemsiremek ýagdaýy.

**EÝEMSIREMEK**, *işl.* Özüňi bir zadyň eýesi hökmünde görkezjek bolmak, hojaýynsyramak, eýemsilik etmek.

**EÝEMSIREŞMEK**, *işl.* Birnäçe bolup eýemsiremek.

**EÝEMSIRETMEK**, *işl.* Birine eýemsilik etdirmek.

**EÝER**, *at.* Üstünde oturmak üçin atyň üstüne salynýan esbap. *Meniň jigim bal başdan, Atlary uçar guşdan, Eýeri zer, kümüşden, Gupbasy göwher daşdan* (Hüwdi).

**EÝERÇI**, *at.* Eýer ýasaýan ussa, eýer ussasy. *Duran adamlaryň hemmesi "eýerçi dogry aýtdy-da, eýerçi dogry aýtdy" boluşdylar* ("Görogly"). *Gadym zamanda bir Saraý atly eýerçi bolan* ("Türkmen halk ertekileri").

**EÝERÇILIK**, *at.* Eýerçiniň käri, wezipesi.

**EÝER-ESBAP** [eýer-esva:p], *at.* Ata degişli esbaplaryň jemi. *Atlylar eýer-esbaplaryny tygşytladylar* (B. Kerbabaýew).

**EÝERIJI**, *at.* Bir taglymata, ugra, ýörelgä eýerýän, esaslanýan, daýanýan. *Oňat başlangyja eýerijiler*.

**EÝERILMEK**, *işl.* Bir zatdan, taglymatdan, ýörelgeden ugur alynmak.

**EÝERJEŇ**, *syp.* Bir zada eýerýän.

◊ **Eýerjeň sözlem** baş sözleme baglanyp, ony aýyklap gelýän sözlem.

**EÝERJEŇLI: eýerjeňli /goşma/ sözlem** düzüminde eýerjeň sözlemi bolan goşma sözlem.

**EÝERJEŇLIK**, *at.* Eýerjeň häsiýetde bolmaklyk, garaşlylyk.

**EÝERLEME**, *iş ady*. Eýerlemek ýagdaýy.

**EÝERLEMEK**, *işl.* Atyň üstüne eýer salmak. *Ýigitler atlary çyplak-çyplak eýerläp atlandylar* ("Görogly").

◊ **Eýerläp münmek** birine iş etdirmeli bolanda, ýumuş buýranda we ş.m. ýagdaýda sypdyrmazlyk, gonalga bermezlik, halys etmek.

**EÝERLENGI** [eýerlenği], *syp.* Eýerlenen, eýerlenip taýyn edilen. *Eýerlengi at.*

**EÝERLENMEK**, *işl.* Eýer salynmak, eýer berkidilmek. *Oba daşyndaky depe, Eýerlenen ata meňzär* (Magtymguly).

**EÝERLEŞDIRMEK**, *işl.* Birnäçe aty eýerläp çykmak, eýerläp bolmak. *Men münüp giderlermikä öýdüp, atlary eýerleşdirip goýdum* (H. Derýaýew).

**EÝERLEŞMEK**, *işl.* **1**. Eýer salmaga kömekleşmek, eýer salyşmak. **2**. Birnäçe bolup eýerlemek. *Ýaş oglanlar atlary eýerleşip durdular.*

**EÝERLETDIRMEK**, *işl.* Eýerlemek işini başga birine etdirtmek.

**EÝERLETMEK**, *işl.* Eýerlemek işini başga birine etdirmek. *Atlary eýerletmek.*

**EÝERLIK**, **1**. *syp.* Eýer etmäge ýaramly, eýer üçin gerek bolan zat. *Eýerlik agaç.* **2**. *at.* Eýeriň üstüne atylýan, eýeriň üstüne örtülýän esbap.

**EÝERME**, *iş ady.* Eýermek ýagdaýy.

**EÝERMEK**, *işl.* **1**. Biriniň yzyndan galman gidip bilmek, yzyndan galmazlyk. *Gybyr-gybyr edip, zordan onuň aýagyna eýerýärdiler* (B. Seýtäkow). **2**. Biriniň taglymytyna, ýörelgesine görä bolmak, göreldesini alyp götermek.

**EÝERTMEK**, *işl.* **1**. Birini ýa-da bir zady yzyna düşürmek, yzy bilen bardyrmak, ýany bilen gitdirtmek. *Garry baba Göroglyny yzyna eýerdip getirip, patyşanyň öňünde gol gowşuryp durdy* ("Görogly"). **2**. Birine bir zady esas edindirmek, bir zada (pikire) esaslandyrmak, daýandyrmak, bir zatdan ugur aldyrmak. *Arman, öz erkli Agajan serdar ony-da öz täsirine eýertdi* (B. Kerbabaýew).

**EÝESIREMEK**, *işl.* Eýesi bolan bolmak, eýemsiremek.

**EÝESIZ I**, *syp.* **1**. Eýesi bolmadyk, hojaýynsyz. *Ýap-ýaňam bu ýerler eýesiz ýatyrdy* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Ugruna seredilmeýän, idegsiz.

◊ **Eýesiz sözlem** eýesi bolmadyk sözlem.

**EÝESIZ II**, Bir zat oňlanylmadyk wagty aýdylýan söz. *Eýesiz, tas alypdy-ow! Köp sag boluň, eliňiz-gözüňiz dert görmesin* (T. Gurbanow).

**EÝESIZLIK**, *at.* **1**. Eýesi ýokluk, hojaýynsyzlyk. **2**. Idegsizlik, ugruna seredilmezlik.

**EÝGERME** [eýğerme], *iş ady.* Eýgermek ýagdaýy.

**EÝGERMEK** [eýğermek], *işl.* **1**. Bir işi ýerine ýetirip bilmek, bir işiň hötdesinden gelmek, başarmaga güýjüň ýetmek. *Bu işi diňe iki sany adam eýgerer.* **2**. Yzyndan galmazlyk, galman gitmek, yzyna eýermek. *Uz ýöräp ýören gyzyň yzyna-da men bu mahal zordan eýgerýärdim* (T. Gurbanow).

**EÝGERTMEK** [eýğertmek], *işl.* Bir zady etmegi başartmak. – *Bu giden meýdana suw tutmak saňa eýgerdermikä?*

**EÝGERTMEZLIK** [eýğertmezlik], *işl.* Bir zady etmegi başartmazlyk. *Dor at eýgertmän, pellehana ýetdi.*

**EÝGILIK** [eýğilik], *at.* Ýagşylyk, oňatlyk, gowulyk, asudalyk, parahatlyk. *How, ýylkyban çopan, eýgilikmi?* ("Görogly").

◊ **Eýgilik bolsun (bolawersin)** garaşmaýan wagtyňda biri sen diýip ýanyňa gelende, bir zat bolandyr öýdüp “gowulyk bolsun”diýen manyda aýdylýan aňlatma. *Näme diýip gelýäkäler? Eýgilik bolsun!* (N. Saryhanow). *Eýgilik bolawersin, hernä!* (B. Soltannyýazow).

**EÝIKDIRME**, *iş ady.* Eýikdirmek ýagdaýy.

**EÝIKDIRMEK**, *işl.* Özüni tutdurmak, ösdürmek, güýçlendirmek, aýaga galdyrmak, daýandyrmak, rowaçlandyrmak. *Olar ekilen gowaçalary eýikdirmekde, ders bermekde we suwarmakda jan aýaman zähmet çekdiler.*

**EÝIKME**, *iş ady.* Eýikmek ýagdaýy.

**EÝIKMEK**, *işl.* **1**. Ösüp başlamak, ösmek, boý almak. *Eken şol nahallarymyz eýigip, ok ursaň geçmez bag bolupdyr* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *göç.m.*Özüni tutmak, aýaga galmak, daýanmak.

**EÝJEJIK**, *syp.* Oňatja, gowja, naşyja. *Daň bile şu eýjejik zatlaryň elinden bir pyýala suw içmekden artyk hem bagt bormy?!*

**EÝLE**, *hal.* **1**. Ol tarap, ol ýan, ol ugur. *Eýlesi gözýetmez ekinzarlyk.* **2**. Bir zadyň beýleki ýüzi, tarapy, beýle. *Çapadyny eýlesine öwür!* **3**. Şeýle, şu hili, şu zeýilli. – *A gyz, eýle bolsa, ýeke gitme, menem gideýin! – diýdi* (B. Soltannyýazow).

◊ **Eýlesine geçirmek** özümki diýip hasap etmek; öz eýeçiligine geçirmek. *Sözaýdyjy barany düýn weli, eýýämden gyzy eýlesine geçirendirin öýdýär.*

**EÝLE-BEÝLE** [eýle-veýle], *syp.* **1**. Bolar-bolmaz, bolgusyz (gep barada). *Eýle-beýle söze ynanmaz.* **2**. *göç.m.* Ýönekeý, ýöne-möne. *On bäş-ýigrimi gara maly baga bakmak eýle-beýle adama başartmaz* ("Türkmenistan"). **3**. Isimlerden soň *etmek* kömekçi işligi gelip, analitik işlik ýasalýar: **Eýle-beýle etmek** telli-pelli etmek, başdansowma etmek. *Ussa sagady eýle-beýle etdi-de, eýesine gowşurdy.*

**EÝLEDEN-BEÝLEDEN** [eýleden-meýleden], *hal.* Dumly-duşdan, her tarapdan. *Eýleden-beýleden gelin-gyzlar elleri bedreli guýa tarap barýardylar* (B. Hudaýnazarow).

**EÝLEKI**, *çal.* Beýleki, başgasy.

**EÝLELIGINE** [eýleliğne], *hal.* Başga bir tarapa, başga bir ugra. *Olar eýleligine barýardylar.*

**EÝLEM**, *at.* Eýleniş derejesi. *Sähetdurdy eline pil alyp, laý çukuryna girdi-de, ussa goýan pagsasyny gyryşdyryp ýylmaýança, çukurdan bir eýlem palçygy atyza zyňyp, ony agdaryşdyryp, depeleşdirip taýýar etdi* ("Türkmen halk döredijiligi").

◊ **Eýlemini ýetirmek** jaý salmak ýa-da kerpiç guýmak üçin niýetlenen palçygy mazaly basgylap, agdaryp taýýar etmek.

**EÝLEME**, *iş ady.* Eýlemek ýagdaýy.

**EÝLEMEK I**, *işl.* **1**. Eý bermek, eý berip bejermek, eýini ýetirmek. *Baganalary bagana kärhanasyna ibermezden öňürti şu ýerde duz bilen eýleýärler*. **2**. Mazaly garyşdyrmak, garyşdyryp tokgalamak. *Ahmet derrew derýanyň ýakasyndaky tezekleri ýygnap, eýläp, arasyny göwherden dolduryp guratdy* ("Türkmen halk ertekileri").

**EÝLEMEK II**, *işl.*, *şahyr, ser.* **Etmek 1**. *Göçe-göç eýledi göwün kerweni, Ýör, Öwezim, dolanaly daglara* ("Görogly").

**EÝLENMEK**, *işl.* **1**. Eý berilmek, eýe ýatyrylmak, eý berlip bejerilmek. *Getirilen deriler eýlendi.* **2**. Garyşdyrylyp eýi ýetirilmek. *Şu ymaratlaryň kerpiçleri baýtal süýdi bilen eýlenendir* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç.m.* Çeper eserlerde ynsan keşpleriniň häsiýeti mazaly sünnälenip teswir edilmek. *Gahrymanyň çeper keşbi şahyrana duýgulara eýlenipdir* ("Edebiýat we sungat").

**EÝLESI-BEÝLESI**, *hal.* Bir zadyň daş-töweregi, töwerek-daşy, ol ýa-da beýleki tarapy. *Eýlesine-beýlesine hem örän ýuwaşlyk bilen garanýar (N.Pomma).*

**EÝLEŞDIRMEK**, *işl.* **1**. Bir ýan ujyndan eýlemek. *Derileri eýleşdirip başlamak*. **2**. Mazaly garyşdyryp, gatyşdyryp, eýläp çykmak.

**EÝLEŞMEK**, *işl.* **1**. Eýlemäge kömekleşmek. *Ol kakasyna deri eýleşdi.* **2**. Bilelikde eýlemek. *Oglanlar palçyk eýleşip durdular.*

**EÝLETMEK**, *işl.* Eýlemek işini başga birine etdirmek. *Oňa deri eýletdiňmi?*

**EÝLÄK** [eýlä:k], *hal, ser.* **Eýle 1**. *Goýunlaryň biri guzlap ýatyr, biri eýläk gidýär, biri beýläk.*

**EÝLÄK-BEÝLÄK** [eýlä:k-beýlä:k], *hal.* Hem ol ýana, hem bu ýana; iki tarapa, iki ýana. *Ýel ösüp bu agajyň şahasyna degende, ol jaň eýläk-beýläk yranyp, birhili owaz edýär eken* ("Türkmen halk ertekileri"

**EÝMENÇ**, *syp.* Gorky duýgusyny döredýän, gorkunç, gorkuly, elhenç. *Öz-ä örän eýmenç haýwan-ow, göreniňde, depe saçyň syh-syh bolýar* (Ç.Aşyr).

**EÝMENDIRMEK**, [eýmennirmek] *işl.* Gorkuzmak, çekindirmek, ätiýaç etdirmek, heder etdirmek, üýşendirmek. *Bir wagtlar golaýyna barmasy kyn Garagumuň adam baryny eýmendirýän döwründen bireýýäm oba göçdi* (Edebiýat we sungat)

**EÝMENIŞMEK**, *işl.* Birnäçe bolup eýmenmek.

**EÝMENMEK**, *işl.* Birinden ýa-da bir zatdan heder etmek, gorkmak, çekinmek, ätiýaç etmek, üýşenmek.

**EÝSE**, *giriş s.*, *ser.* **Eýsem 1**. *Eýse, sözüm ýalanmy?* (H. Garabaýew)

**EÝSEM**, *giriş s.* **1**. "Onda", "şeýle bolsa", "eýse", "diýmek" ýaly sözleriň manysynda gelýär. *Satlyk ussa, eýsem, nirä barýar?* (H. Garabaýew). *Eýsem, gyzykly okar ýaly näme barada ýazmaly?* (Ş. Borjakow). **2**. "Ondan başga-da", "hatda" ýaly sözleriň manysynda gelýär. *Türkmen halylary diňe bir ýurdumyzyň içinde däl, eýsem daşary ýurtlarda-da meşhurdyr.*

**EÝWAN** [eýwa:n], *at.* Jaýyň öň diwaryna berkidilip gurlan töweregi açyk, üsti ýapyk jaý. *Dursun pilini eýwana taşlap, gapyny açdy* (Ç. Aşyr).

**EÝWAÝ** [eýwa:ý] **I**, *üml.* Bedeniň bir ýerine bir zat degip gaty agyrdanyňda, dişiňi sogurdanyňda we ş.m. ýagdaýlarda aýdylýar. *Eýwaý, ýarama degdiň!*

**EÝWAÝ II**, *üml.* Biriniň edýän hereketi, bolşy geňlenip aýdylýar (köplenç, aýal maşgalalar ulanýar). *Eýwaý, bu zadyň naşyjadygyny!*

**EÝWAÝ-EÝ** [eýwa:ýe:ý] **I**, *üml.* Işläp gaty ýadanyňdan soň aýdylýar. *Eýwaý-eý, işläp-işläp gaty ýadapdyryn.*

**EÝWAÝ-EÝ** [eýwaýe:ý] **II**, *üml. ser.* **EÝWAÝ-EÝ I.**

**EÝ-WAÝ** [eý-wa:ý], Gorkmagy, awunmagy we ş. m. aňladýan ümlük.

**EÝ-WÄK** [eý-wä:k], Duýdansyz awunmagy aňladýan ümlük.

**EÝÝAM** [eýýa:m], *at.* Belli bir wagt aralygyny öz içine alýan döwür, wagt aralygy, zaman. *Gadym eýýam.*

**EÝÝAR** [eýýa:r], *syp., k.d.* Haýýar, mekir, hilegär. *Habary kimden al. Edil şanyň Göwdürgül diýen eýýaryndan al* ("Görogly"). *O-da bir garry baba, ýüz müň çarşenbäni başyndan geçiren eýýar* ("Görogly").

**EÝÝÄM** [eýýä:m], *hal.* Bir zadyň wagt taýdan bolup geçendigini aňladýan söz. *Eýýäm güneş batypdyr, Aý-da agyl atypdyr* (G. Ezizow).

**EZ**, *at.* Ýeken ösümliginiň bir görnüşi.

**EZBER** [ezver], *syp.* **1**. Öz işine ökde, iş başarjaň, erjel. *Işine ezber.*

**EZBERLEMEK** [ezverlemek], *işl.* **1**. Ezber bolmak, ökdelemek, erjel bolmak, ýat tutmak. **2**. Has berk ýapyşmak, gaýym tutmak. *Guzym, köp ezberlediň, näge bir bela bolmasyn* (Andalyp).

**EZBERLEŞMEK** [ezverleşmek], *işl.* Ezber bolup başlamak, başarjaňlygy artmak, ökdelemek,

**EZBERLIK** [ezverlik], *at.* Ezber bolmaklyk, ökdelik, erjellik. *Lukman ezberlik bilen agyryly dişi sogurdy.*

**EZ-BEZ** [ez-vez], *hal.* Bizar, iren, halys. *Sen, han ogul, gulak as, şu öňünde oturan ýumruk ýaly iki garry perzent aýraçylygynyň nalasyny çekip, halys ez-bez bolandyr* ("Edebiýat we sungat").

**EZDIRMEK** [ezzirmek], *işl.* **1**. Bir zady birine ölletmek, öl etdirmek. **2**. *göç.m.* Rehimsiz horlatmak, zulum-sütem çekdirmek.

**EZELENDIRMEK** [ezelennirmek], *işl.* Ezelenip durar ýaly etmek. *Hany ezelendirip goýma-da, çaltrak aýtsana, oglan!* (B. Kerbabaýew).

**EZELENIŞMEK**, *işl.* Bilelikde ezelenmek, ýalbaryp durmak; özelenişmek. *Ýörite gelip, ezelenişip duransoňlar, Bibi ejem geregini artdyryp durmady* ("Edebiýat we sungat").

**EZELENMEK**, *işl., ser.***Özelenmek**. *Hawa, bu bende oglum diýip halys ezelenip dur* (H. Ysmaýylow).

**EZENEK**, *at.* Geýim-gejimiň ýakasy. *Bada hoşamaýlyk eden aýal indi onuň ezeneginden şatyr-dadyp tutdy* (R. Gelenow).

◊ **Ezenegi agmak** hor ýagdaýda bolmak, pukara, garyp düşmek, özüni oňarman gezmek.

**EZIJI**, *at.***1**. Bir zady ezmek işi bilen meşgullanýan, bir zady ölleýän adam. **2**. *göç.m.* Ezýän adam ýa-da tarap.*ser*. **Ezmek 6**.

**EZILMEK**, *işl.* **1**. Suw degip ýa-da ýagyşda galyp öl bolmak, öl-myžžyk bolmak. *Hany, onda gaýdalyň, halys ezildik* (A. Durdyýew). **2**. Biri-biriniň üstünde ýatyp mynjyramak, baslygyp suwy çykmak (gök önüm we ş.m. hakynda). *Gapdaky pomidorlar ezilipdir*. **3**. *göç.m.* Hak-hukuksyz horlanmak.

◊ **Ezilen towuga dönmek** süllümmaý bolmak.

**EZINMEK**, *işl.* Özüň üçin bir zady ezmek, suwa ýatyrmak. *Çaý bilen içer ýaly erik kişdesini ezinmek.*

**EZIŞDIRMEK**, *işl.* Bir ýanyndan ezip çykmak. *Kişdeleri ezişdirmek.*

**EZIŞMEK**, *işl.***1**. Birine bir zady ezmäge kömekleşmek; ölleşmek (**Ezmek** sözüniň **1**, **2**, **4** manylary). **2**. Bilelikde ezmek, öllemek.

**EZIZ** [ezi:z], *syp.* **1**. Jandan eý görülýän, mähriban, gowy görülýän. **2**. Gadyrly, hormatly, arzyly. *Ýörüň, biziň eziz myhmanymyz boluň!* **3**. *at.* Oglana dakylýan at.

**EZMEK**, *işl.* **1**. Bir zady suwda öllemek, suwa batyryp goýmak. *Tohumy ekişden öň iki gije-gündiziň dowamynda akar suwda ezip goýduk.* **2**. Öl etmek. *Indi gözýaş ýaňaklaryňy ezmesin. Ýagyş meni mazaly ezipdi*. **3**. Bir zady suwda eretmek, ergin hala getirmek. *Gandy, asal, şeker, nabat ezerler, Siziň ilde leb goýarlar ýaňaga* ("Saýatly– Hemra"). **4**. Sykyp suwuny almak, sykmak, mynjyratmak. *Üzüm hem zeýtun ezmek üçin aýratyn sykgyç gurallar ulanypdyrlar.* **5**. *göç.m.* Urup, galmaz ýaly etmek, gowy edip ýençmek. **6**. *göç.m.* Doly suratda boýun egdirip, hak-hukuksyz gul ýaly etmek, hemmetaraplaýyn gysmak.

**EZRAÝYL** [ezyra:ýyl], *at.***1**. Janalgyç perişde, ölüm perişdesi. *Ezraýyl maýyldyr näzenin jana, Bende, gul sen bet hyýaldan el göter* (Kemine). **2**. *göç.m.* Rehimsiz, zalym.

**EZÝAKA: ezýaka köýnek** ýakasy iki egniň üstünden açylýan bagjykly köýnek.

**EZÝET**, *at.* Ahlak, ruhy we ş.m. taýdan edilýän sütem, zulum, çekdirilýän horluk; azar.

# Ä

**Ä** [ä:] **I**, Türkmen elipbiýiniň altynjy harpy.

**Ä** [ä:] **II**, *own. b.* **1**. Beren soragyňa jogap aljagyňa ynam bolan halatynda sorag äheňli jümläni hasyl etmäge gatnaşýar. *Kakaň öýdedir-ä? Ol gelendir-ä.* **2**. Degişli äheň bilen aýdylyp, geň galmaklygy, haýran galmaklygy aňladýar. *...Ä, sen hem ýüpsüzje baglangyja diýsene!* (B. Kerbabaýew). **3**. Açyk, düşnükli aýdylman, sakynyp geplenende aýdylýar. *Ä ... hüm, ynha, görüp dursuň!* **4**. Gymyldyny-hereketi dogrudan-dogry bir zada ýa-da birine gönükdirmeklik öwüşginini berýär. *Bazara barsaň-da, üzüm-ä getirmänsiň!*

**ÄBEDE-JÜÝJE** [ä:vede-jüýjö]**: äbede-jüýje bolmak 1)** ysnyşykly aragatnaşykda bolmak, biri-biriň dilini tapmak, agzybirlik saklamak. **2)** *göç.m.* Dostluk, agzybirlik ýagdaýynda bolmak. *Nädersiň, gelneje, biziň bilen äbede-jüýje bolaýsa* (B. Kerbabaýew).

**ÄBERIBERMEK** [äverivermek], *işl.* **1**. Äbermäge başlamak. *Birden kakam maňa gujak-gujak kitap äberiberdi.* **2**. Äbermegi dowam etmek. *Bagbanyň gelýänini görse-de, garagol oglanjyk üzümleri ýolup, ýoldaşyna äberiberdi.*

**ÄBERILMEK** [äverilmek], *işl.* Bir zat birine alnyp berilmek.

**ÄBERIŞ** [äveriş], *iş ady*. Äbermek derejesi.

**ÄBERIŞDIRMEK** [äverişdirmek], *işl.* **1**. Hemmesini äbermek, baryny alyp bermek. *Hany, zatlary äberişdir!* (R. Gelenow). **2**. Bolşuna görä, ýagdaý ýetdiginden äbermek.

**ÄBERIŞMEK** [äverişmek], *işl.* Äbermäge kömekleşmek; bilelikde äbermek.

**ÄBERMEK** [ävermek], *işl.* **1**. Birine bir zady alyp bermek. *Hany, äber maňa tüpeňi, agaňlaň urşuna-da bir*

*syn et!* (A. Durdyýew*)*. **2**. Bir zady biri üçin satyn ýa-da mugtuna alyp bermek.*Öňräk oňa ullakan pişik äberdik* (A. Gurbanow). *Köwüş äbermek*. **3**. Öňünde goýmak; öňüne alyp bermek. *Çaý äbermek. Nahar äbermek.*

**ÄBERMEKLIK** [ävermeklik], *iş ady.* Äbermek işi, hereketi.

**ÄBERTMEK** [ävertmek], *işl.* **1**. Äbermek işini başga birine etdirmek. *Çagalar bagy üçin oýnawaç äbertmek.* **2**. Äberer ýaly etmek. *Size maşyn äberden özümdirin.* **3**. Äbermäge mümkinçilik bermek. *Şu çykyp duran tagtany aýraýmasaň, kerpiç äberdenok.*

**ÄDIBERMEK** [ä:divermek], *işl.* **1**. Ätmäge başlamak. *Esger ynam bilen öňe ädiberdi.* **2**. Ätmegi dowam etmek.

**ÄDIJEK** [ä:dijek], *at.* Kiçijik, owadanja ädik.

**ÄDIK** [ä:dik], *at.* Gaýyşdan we ş.m. tikilýän uzyn gonçly aýakgap. *Är başyna iş düşse, ädigi bilen suw çeker* (Nakyl).

◊ **Ädik çykartmak** toý däp-dessury boýunça, gelin alnan güni öýlenýän oglanyň ädigini gelne çykartmak.

**ÄDIKÇI** [ä:dikçi], *at.* Ädik tikmek bilen meşgullanýan adam, ädik tikýän ussa. *Ädikçiniň ädigi bitmez* (Nakyl). *Meşhur ädikçimiz guwanyp ile, Goşular-da gider kuwwatly sile* (G. Ezizow).

**ÄDIKÇILIK** [ä:dikçilik], *at.* Aýakgap, ädik tikýäniň kesp-käri, hünäri. *Meniň gürrüňdeşim ata-baba ädikçilikden çörek iýip gelýän ökde ussa ekeni.*

**ÄDIKLIK** [ä:diklik], *syp.* Ädik tikmek üçin ýaramly, ädik tikmäge gerek bolan (gaýyş, gön we ş.m.).

**ÄDIKTIKER** [ä:diktiker], *at.* Uzyn burunlyja, gaty örtükli, uçmaýan, çal reňkli möjejik.

**ÄDILMEK** [ä:dilmek], *işl.* **1**. Bir gadam atylmak, ýöremek. *Ýadawlygykdan ýaňa aýaklarym çala ädilýärdi*. **2**. Bir ýere barylmak. *Onuň aýagy indi şu kenara tarap ädilmeýärdi.* **3**. Bir iş edilip başlanmak.

**ÄDIM** [ä:dim], *at.* **1**. Öňe, yza ýa-da gapdala ädilýän bir gezekki hereket. *Bäş-alty ädim ýöränsoň, çepdäki gapyny açyp, içeri girdi* (B. Seýtäkow). *Ädimiňi ýygjamlatmak.* **2**. Bir ädim aralygyna barabar ölçeg birligi. **3**. *göç.m.* Ediljek hereket.

◊ **Ädimiňi dogry (seljerip) basmak** eden işiňi, hereketiňi ýerlikli, oýlanyşykly ätmek, gitjek ýoluňy, etjek işiňi anyklamak. **Ädim ogurlamak** yza galyp başlamak, bildirmän köpçülikden kem-kemden yza galmak, ökje ogurlamak. *Kempir ädim ogurlap, kerwenden üzülip galdy* ("Görogly").

**ÄDIMLEME** [ä:dimleme], *iş ady.* Ädimlemek ýagdaýy.

**ÄDIMLEMEK** [ä:dimlemek], *işl.* **1**. Ädim ätmek, ýöräp başlamak, ýöräp gitmek. **2**. Ädim bilen belli bir aralygy ölçemek.

**ÄDIMLEMEKLIK** [ä:dimlemeklik], *iş ady.* Ädimlemek hereketi.

**ÄDIMLEMEZLIK** [ä:dimlemezlik], *iş ady.* Ädimläp hereket etmezlik.

**ÄDIMLENMEK** [ä:dimlenmek], *işl.* Ädimläp ölçelmek. *Harmana çenli aralyk ädimlendi.*

**ÄDIMLEŞMEK** [ä:dimleşmek], *işl.* **1**. Ädimiň ululygyny barlamak üçin, iki bolup ädimläp görmek. *Iki dost ädimleşdi, uzyn boýly hor oglanyň ädimi uzyn geldi.***2**. Köp bolup, ädim urşup gelmek. *Esgerler ýoldan ädimleşip gelýärler.*

**ÄDIMLETDIRMEK** [ä:dimletdirmek], *işl.* Ädimlemek işini başga birine tabşyrmak. *Ýeri ädimletdirdim welin, aýdylany bilen deň çykdy.*

**ÄDIMLETMEK** [ä:dimletmek], *işl.* Ädimlemek işini birine tabşyrmak. *Mellek ýerini ädimletmek.*

**ÄDIMLEÝIŞ** [ä:dimleýiş], *iş ady.* Ädimlemek ýagdaýy, derejesi.

**ÄDIMLÄBERMEK** [ä:dimlä:vermek], *işl.* Duýdansyz ýagdaýda ädimlemegi dowam etmek, ädim ädip başlamak, ädimläp başlamak. *Olar ýene-de ädimläberdiler.*

**ÄDIMLIK** [ä:dimlik], *syp.* Ädim möçberinde bolan, ädimden ybarat bolan (aralyk). *Olardan ýedi-sekiz ädimlikde iki sany ýigit dyzyna çenli çermenip, atlaryny ýuwýardy* (G. Kulyýew*)*.

**ÄDIMME-ÄDIM** [ä:dimme-ä:dim], *hal.* Birsyhly, kem-kemden, ýuwaş-ýuwaşdan. *Olar ädimme-ädim süýşüp gelýärdiler* (B. Seýtäkow).

**ÄDIMSAÝYN** [ä:dimsa:ýyn], *hal.* Her ädimde, birsyhly. *Alaka, ýalman, syçan kürümleri-hä ädimsaýyn duşýar* (Ç. Matalow).

**ÄDIŞ** [ä:diş], *iş ady.* Ätmek täri, usuly.

**ÄDIŞMEK** [ä:dişmek], *işl.* Birnäçe bolup ätmek, gadam urmak. *Ýuwaşja ädişip gidip barýardylar* (N. Pomma).

**ÄGÄ** [ä:ğä:], *syp.* Hüşgär, eserdeň, sak, jür.

◊ **Ägä bolmak** bir zat bolaýmasyn diýip, ätiýaçly bolmak. *Güýçlüler aglasa, ägä bolmaly, Güýçli ýöne ýere aglaýan däldir* (G. Ezizow). *Öz işiňe ägä bolmak.*

**ÄGÄLIK** [ä:ğä:lik], *at.* Hüşgärlik, eserdeňlik, saklyk, jürlük. *Olaryň ägälik bilen sakçylyk çekýändikleri bellidi* (G. Kulyýew).

**ÄGIRT** [ä:ğirt], *syp.* Örän uly, has uly, gaty uly, äpet. *Ägirt çynar.Ägirt derweze.*

**ÄH**, *üml.***1**. Çaga ýalandan uruljak ýaly edilip, eliňi galdyryp aýdylýan söz. **2**. Gynanmagy, ökünmegi aňladýar. *Äh, içi çüýrän suw kädi* (O. Akmämmedow).

◊ **Äh etmek** çagany gorkuzmak üçin ony ýalandan uran bolmak.

**ÄHDIÝALAN**, *syp*. Sözünden dänen, ähdini bozan. *Beren sözüne amal etmese, ahyry ol adama ähdiýalan diýýärler.*

**ÄHDIÝALANLYK**, *at*. Ähdiňi bozmaklyk.

**ÄHEM-ÄHEM: ähem-ähem etmek 1)** bogazyňy arçamak, ardynjyramak. **2)** ardynjyrap, geleniňi bildirmek. *Ýaş ýigit gapa gelip, ähem-ähem etdi.*

**ÄHEŇ**, *at*. **1**. Heň, labyz. *Golaýda çasly äheň ýaňlanyp gitdi*. **2**. Sazlaşma, owaz sazlaşygy, mylaýym goşulyşma. *Şol meňźeşlik diňe äheňde däl, halk senedinde, haly-palasynda-da kändi* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Gepleýiş öwüşgini, mazmuny.

◊ **Äheňini aňmak (aňlamak)** nämäni göz öňünde tutýanyny bilmek. **Äheňini üýtgetmek** gürrüňiň mazmunyny bir tarapa sowmak, üýtgetmek.

**ÄHEŇDEŞ**, *syp.***1**. Meňźeş äheňde, bir heňde bolan. **2**. *göç.m.* Pikiri, işi bir hörpden gopýan, pikirdeş.

**ÄHEŇDEŞLIK**, *at*. Meňźeş äheňde bolmaklyk, bir heňdelik.

**ÄHÄ** [ähä:], Tötänden bir zadyň, gözlenýäniň üstünden barlanda aýdylýan ümlük. *Ähä, ahyry tapdym-ow! Ähä, ahyry ele düşdüň gerek!*

**ÄHLI**, *çal*. Hemme, bütin, bar. *Ähli ýerde. Okuwçylaryň ählisi. Ähli tarapdan.*

**ÄHLIHAL** [ähliha:l], *syp*. Keramatly, gudratly. *Ony ählihal gördüm.*

**ÄHLIHALK**, *syp*. Bütin halka degişli bolan, hemme halk üçin umumy bolan. *Ählihalk baýramy.*

**ÄHLUMUMY** [ählumu:my], *syp*. Hemmelere deň derejede degişli, hemmeler üçin umumy. *Ýurduň gülläp ösmegine goşant goşmak ählumumy işdir.*

**ÄHMIÝET**, *at*. Many, möhümlik, wajyplyk. *Metbugat işgärleri Prezidentimiziň ähli syýasatlaryndan gyzgyny bilen habarly bolup, onuň many-mazmunyny, il-gün üçin ähmiýetini halka düşündirýär.*

◊ **Ähmiýet bermek** üns bermek, ünsüňi bir zada gönükdirmek. *Ol adamlaryň gepleýşine, geýnişine aýratyn ähmiýet berýärdi.*

**ÄHMIÝETLI**, *syp*. Belli bir ähmiýete eýe bolan, ähmiýeti bar, möhüm, wajyp. *Ähmiýetli iş.*

**ÄHMIÝETSIZ** [ähmiýessiz], *syp*. Ähmiýeti ýok, hiç zada ýaramaýan. *Ähmiýetsiz işe wagt ýitirmedik.*

**ÄHT**, *at*. Kasam, söz bermeklik, şert etmeklik, peýman. *Ähtiňden dänmek.*

◊ **Äht etmek** bir zady ýerine ýetirmek, berjaý etmek maksady bilen söz bermek, wada bermek, şert etmek, lebiz etmek. *Ilden kemçiligi gözlemezligi äht eden öz kemçiliklerini gözläp tapyp, olary düzedýär* ("Watan").

**ÄHTIBAR** [ähtiva:r], *at*. Ygtybar, ynam, ynanç, abraý. *Däli köňlüm, bu düýşüňe guwanma, Wepasyz perzende ähtibar olmaz* ("Hüýrlukga – Hemra") (*ser.* **Ygtybar**).

**ÄHTIBARLY** [ähtiva:rly], *syp*. Ygtybarly, ynamly, ynamdar, esasly. *Ähtibarly usul* (*ser.***Ygtybarly**).

**ÄHTIBARLYLYK** [ähtiva:rlylyk], *at*. Ygtybarlylyk, ynamlylyk, ynamdarlyk. *Ähtibarlylyk gowy zat.*

**ÄHTIBARSYZ** [ähtiva:rsyz], *syp*. Ygtybarsyz, ynamsyz. *Sen amanat zady bir ähtibarsyz adama goýup gidip, soň ökünäýme.*

**ÄHTIMAL** [ähtima:l], *ugrukd*. Ahmal, mümkin.

**ÄHTIPEÝMAN** [ähtipeýma:n], *at, ser.* **Äht**. *Biz onuň bilen ähtipeýman edişdik.*

**ÄHTLEŞME** [ähitleşme], *iş ady.* Ähtleşmek ýagdaýy.

**ÄHTLEŞMEK** [ähitleşmek], *işl.* Biri bilen bir zat barada äht etmek, şert etmek, wadalaşmak.

**ÄHTLEŞMEKLIK** [ähitleşmeklik], *iş ady.* Ähtleşmek ýagdaýy.

**ÄHTNAMA** [ähitna:ma], *at*. Bir zady wada edişip, iki taraplaýyn ýazylan hat, şertnama, borçnama. *Ozal aklymy ýele berip, bu işleri pikir etmän, beýle ähtnama ýazypdyrmen diýip, köp ökündi* ("Zöhre – Tahyr").

**ÄJIT-MÄJIT** [ä:ji:t-mä:ji:t], *at, göç.m.* Alyp-ýolup barýan, göze-başa düşýän aldajy. *Älhepus, özler-äjit-mäjit ýaly-aýt!* (B. Kerbabaýew).

**ÄK** [ä:k] **I**, *at*. Dar bolmazlygy üçin, geýim-gejime urulýan dilkaw mata.

**ÄK** [ä:k] **II**, *at*. Araba tigriniň tegelek agaç bölegini emele getirýän, sähelçe egrelip duran bölek-bölek agaçlary.

**ÄKELIŞMEK**, *işl., gepl.d.* Äkelmäge kömek bermek. *Odun äkelişmek. Çaý-suw äkelişmek.*

**ÄKELME**, *iş ady*. Äkelmek ýagdaýy, işi.

**ÄKELMEK**, *işl., gepl.d.* Getirmek, alyp gelmek. *Men bu taýyk bir hoş habar bilen uly sylag äkeldim* (A. Nazarow).

**ÄKELMEKLIK**, *iş ady.* Äkelmek ýagdaýy.

**ÄKIDIBERMEK** [äkidivermek], *işl.* **1**. Äkidip ugramak. *Şu ýatan tagtalary kümä äkidiberiň!* **2**. Äkitmegi dowam etmek.

**ÄKIDILMEK**, *işl.* Bir zady ýa-da birini ýanyň bilen alyp gitmek. *Irki sagym gutaran badyna, sygyrlar otluk meýdanlara äkidilýär.*

**ÄKIDINMEK**, *işl.* Özüň üçin äkitmek.

**ÄKIDIŞDIRMEK**, *işl.* **1**. Bir zadyň hemmesini bir ýerden başga ýere alyp gitmek. **2**. Bolşuna görä, ýagdaý ýetdiginden äkitmek.

**ÄKIDIŞMEK**, *işl.*Äkitmäge kömek bermek. *Bally ertirden soň çagalaryny çagalar bagyna äkidişip, ogly bilenem, gyzy bilenem hoşlaşdy* (Ç. Aşyr).

**ÄKITDIRMEK**, *işl.* Äkitmek işini başga birine tabşyrmak. *Dükandan alan zatlaryny öýe äkitdirdi.*

**ÄKITME**, *iş ady*. Äkitmek ýagdaýy.

**ÄKITMEK**, *işl.* **1**. Bir zady ýa birini ýany bilen alyp gitmek, ýany bilen alyp barmak. **2**. Ugrukdyrmak, alyp gitmek.

**ÄKITMEKLIK**, *iş ady.* Äkitmek işi, hereketi.

**ÄKITMEZLIK**, *iş ady.* Äkitmän goýmak.

**ÄKLEMEK** [ä:klemek], *işl.* Dar bolmaz ýaly geýim-gejime äk, ýan urmak, äk salyp tikmek.

**ÄKLEMEKLIK** [ä:klemeklik], *iş ady.* Äklemek işi. *Şuny äklemeklik uly bir işem däl.*

**ÄKLEMEZLIK** [ä:klemezlik], *iş ady.* Äklemek işini amal etmezlik.

**ÄKLENMEK** [ä:klenmek], *işl.* Äk salynmak, äk salnyp tikilmek.

**ÄKLETDIRMEK** [ä:kletdirmek], *işl.* Äklemek işini biriniň üsti bilen başga birine etdirmek.

**ÄKLETMEK** [ä:kletmek], *işl.* Äk saldyrmak, äk goýduryp tikmek.

**ÄKLÄBERMEK** [ä:klä:vermek], *işl.* **1**. Äklemäge başlamak. **2.** Äklemegi dowam etmek. *Sen eliňdäkileri äkläber, beýlekilere özüm serederin.*

**ÄL**, *üml.* Garaşylmadyk zada, waka geň galmaklyk bilen baha berlende ulanylýar. *Äl, edil aýdyşlary ýaly ekeniň-ow, inim!* (B. Seýtäkow).

**ÄLEM** [ä:lem] **I**, *at.* **1**. Ýer we kosmos giňişliginde materiýanyň ähli görnüşleriniň jemi.**2**. Ýer ýüzi, ähli ýer. *Aý dogsa, älem görer* (Nakyl). *Özüňde ýok – älemde ýok* (Nakyl).

◊ **Äleme (dünýä) ot ýakdyrmazlyk** ot gorsamak; garagollyk etmek. **Älemi (dünýäsi) giňemek** agyr ýagdaýdan, aladadan dynmak, kynçylykdan halas bolmak. *Gyzyň älemi giňän ýaly boldy* (G. Gurbansähedow).

**ÄLEM** [ä:lem] **II**, *at.* Halynyň gyrasyna salynýan nagyş, palasda nagyşdan öň gelýän gyra ýer.

**ÄLEM** [ä:lem] **III**, *at, kön.s.* Baýdak.

**ÄLEM** [ä:lem] **IV**, *at.* Gäminiň gitmeli ugruny görkezmek üçin goýulýan bellik.

**ÄLEMÇI** [ä:lemçi], *at.* Gäminiň gidýän ugruny görkezmek üçin, suwuň ýüzünde çümmän durar ýaly edilip goýlan bellige gözegçilik edýän adam.

**ÄLEMGOŞAR** [ä:lemğoşor], *at.* **1**. Ýagyş ýagandan soň, asmanda peýda bolup,ýaý berip duran dürli reňkli zolak.*Al-asmanda beslenip, älemgoşar göründi* (A. Kowusow). **2**. Nagyş ady.

**ÄLEMGOŞARLY** [ä:lemğoşorly], *syp*. Älemgoşary bar bolan. *Durna, jümjümeli, älemgoşarly, Ülkäme toý bolup gelen ýazlarym* (G. Ezizow).

**ÄLEM-JAHAN** [ä:lem-jahan], *at.* Bütin dünýä, ýer ýüzi. *Keşt edip älem-jahany, görmedim sen deý gözel* (Halk aýdymyndan). *Türkmen bedewleri älem-jahanda örän uly meşhurlyk gazanandyr* ("Türkmenistan").

**ÄMERT** [ä:mert], *syp*. **1**. Iri göwreli, tagaşyksyz, gödek, çemesiz. *Ämert göhert. Ämert hereket*. 2. Ullakan, äpet, daýaw, irimçik. *Ämert daýaw adam.*

**ÄMERTLIK** [ä:mertlik], at. Gödeklik, usulsyzlyk, çemesizlik.

**ÄM-SÄM** [ä:m-sä:m]: **äm-säm bolmak** aňalyp, aňkaryp galmak, özüňi ýitirmek, aljyramak, çaşmak.

**ÄMIN** [ä:mi:n] Aýat-töwiriň, okalan namazyň kabul bolmagyny, ýagşy dilegiň amala aşmagyny isläp aýdylýar. *Ämin diýenler didar görsün* ("Kitaby dedem Gorkut"). *Umyt-arzuwlaryňa perişdeler ämin diýsin, işiňi Alla oňarsyn!* ("Watan").

**ÄNEW** [ä:nöw]: **1**) **änew damar** iç damarlarynyň biri. *Änew damar är ýykar* (Atalar sözi). **2**) Aşgabadyň golaýyndaky gadymy oba. *Änewiň ak bugdaýy*.

**ÄNEWÜÇ** [ä:nöwüç], *at.* Haly telkermez ýaly gyrasyna sanjylyp çekdirilýän, ujy gaňyrçakly, bir tarapy burlup halka edilen enjam, gural. *Men bu gyza änewüjiň ýanynda çommalyp oturan ýerimden ýagşyja syn etdim* (A. Durdyýew). *Änewüji sazlamak. Dokmanyň änewüji gowşapdyr.*

**ÄNIGI-ŞÄNIGI** [ä:niği-şä:niği], *at.* Bir zadyň mazmunynyň, keşbiniň we ş.m. hertaraplaýynlygy, dolulygy, anyklygy. *Olar medresä okuwa gelýänleri änigi-şänigi bilen tananlaryny gowy görýärler* ("Watan").

◊ **Änigine-şänigine ýetmek** doly tanamak, anyklamak, aslyna göz ýetirmek. *Ol her zadyň änigine-şänigine ýetmese kanagatlanmaýar.*

**ÄŇ** [ä:ň], *at.* Eňek süňki. Äňiň ýazmak. *Onuň äňi ýazypdyr*.

◊ **Äňi açylan (ýazan) ýaly** ýüregedüşgünç gürrüň edýän, ýerliksiz köp gürleýän, üznüksiz samrap oturýan.

**ÄŇEDILMEK** [ä:ňedilmek], *işl.* Seredilmek, görülmek.

**ÄŇEDIŞ** [ä:ňediş], *iş ady.* Äňetmek derejesi, ýagdaýy.

**ÄŇEDIŞDIRMEK** [ä:ňedişdirmek], *işl.* **1**. Hemmesine seretmek, barysyna göz-gulak bolmak. **2**. Ýagdaýa görä bir ýandan äňetmek.

**ÄŇEDIŞMEK** [ä:ňedişmek], *işl.* **1**. Äňetmäge kömekleşmek. *Men gitsem, mallara äňedişeweri!* **2**. Ýerli-ýerden, birnäçe bolup seredip durmak. *Çagalar gapyny çala açyp äňedişýärdiler.*

**ÄŇE-SÄŇE** [ä:ňe-sä:ňe], *ser*. **Äm-säm**.

**ÄŇETDIRMEK** [ä:ňetdirmek], *işl.* **1**. Birine seretdirmek, bakdyrmak. **2**. Äňetmäge mümkinçilik, ýagdaý bermek.

**ÄŇETME** [ä:ňetme], *iş ady.* Äňetmek ýagdaýy.

**ÄŇETMEK** [ä:ňetmek], *işl.* **1**. Bir tarapa seretmek, bir zada bakmak, garamak, esetmek. *Ýaşuly ogluny ömründe birinji sapar görýän ýaly, oňa jüýjerilip äňetdi* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Bir zada gözegçilik etmek, bir zadyň ugruna seretmek. *Çagalaryň össün oňat, Uçuryňçaň gowja äňet* (M. Garryýew).

**ÄŇETMEKLIK** [ä:ňetmeklik], *iş ady.* Äňetmek hereketi.

**ÄŇETMEZLIK** [ä:ňetmezlik], *iş ady.* Äňetmän durmaklyk, äňetmän ýörmeklik.

**ÄŇI-UJY** [ä:ň(i)-u:jy]**: äňi-ujy ýok** aňyrsy-bärsi görünmeýän, gaty köp.

**ÄŇSIZ** [ä:ňsiz], *syp., gepl.d.* Köp, ep-esli; ýoňsuz. *Onuň äňsiz zady bar eken.*

**ÄPBERILMEK**, *işl.* Zyňylmak, taşlanmak.

**ÄPBERME**, *iş ady.* Zyňmak, äpbermek ýagdaýy.

**ÄPBERMEK**, *işl.***1**. Bir zady zyňmak, taşlamak. **2**. Goýup gitmek, taşlap gitmek. *Biz-ä ýaşulymyzy äpberip, aýagymyzam ätmeris* (Ý. Mämmediýew).

**ÄPBERTMEK**, *işl.* Äpbermek işini başga birine etdirmek; äpbermäge mümkinçilik bermek.

**ÄPET** [ä:pet], *syp*. Örän uly, has uly, mähnet.

**ÄPET-ÄPET** [ä:pet-ä:pet], *syp*. Uly-uly, mähnet-mähnet (köp zat hakynda). *Äpet-äpet agaçlar güýçli ýeliň ugruna yraň atýardylar.*

**ÄPIŞGE** [äpişğe], *at.* Ýagtylyk we howa üçin, jaýyň diwarynda oturdylýan aýnaly çarçuwa, penjire. *Ähli gapylar, ähli äpişgeler açykdy* (A. Kowusow).

**ÄPIŞÝE**, *s. ş. aňl. söz.*Adam asgyranda, agyz boşlugyndan çykýan ses we şol sesiň ady. *Asgyran adama: "Sabyr et!" diýilýär. Ölüm bilen baglanyşykly gürrüň edip oturylan wagty bir adam "Äpişýä" edip asgyraýsa, yrym edip, oňa: "Iki gulagyňdan çek!" diýilýär.*

**ÄR** [ä:r], *at.* **1**. Maşgalada aýal bilen nikada durýan erkek adam, aýalyň ýoldaşy, adamsy. *Är aldy – älem aldy* (Nakyl). *Aýal göz astyndan seredýär äre, Är jogap hökmünde ardyndy assa* (B. Hudaýnazarow). **2**. *göç.m.*Edermen, batyr, gaýratly. *Är ýigidiň wadalary bir bolar* ("Görogly").

◊ **Är-aýal (heleý) bolmak** nikalaşyp bile ýaşamak, goş birikdirmek, öýli-işikli, maşgalaly bolmak. **Är başy gowgaly gerek** elmydama hereketde, iş başynda bolmak gerek. *– Är başy gowgaly gerek – diýip, biderek ýere aýdylan däldir* (N. Saryhanow). **Är çykmak** kämillik ýaşyna ýetmek, jahyl çykmak, ýigit ýetişmek. *Biziň är çykan oglumyz bolsa mellek ýerimiziň hemmesini har-haşal ota basdyrypdyr* (A. Gowşudow). **Är dilemek** *(taryh),* köplenç, iki goşun garşylaşanda, her tarapdan biriniň ýekme-ýek urşa çykmagy bilen bagly bolup, ilki çykan söweşiji är dilän – söweşiji talap eden hasap edilýär. *Ol galadan daşary çykdy, meýdana girdi, är diledi* ("Kitaby dädem Gorkut"). **Äre çykmak** äre barmak, durmuşa çykmak. **Är garrar, heňňam garramaz** adam öz wagty gelende garrar, emma döwür, durmuş, ýaşaýyş öňküligine galar. **Är-heleýiň urşy – ýaz gününiň ýagşy** är-aýalyň arasynda bolýan tersleşik uzaga çekmez, tiz ýaraşarlar, oňşarlar. **Är ömri 1)** 40-50 ýyllyk döwür. **2)** adamyň diýen wagty, ýigitlik döwri. *Är ömründe eden şu işimi bagyşlap, maňa günämi ýuwmaga ýagdaý döretseňiz, bütin ömrüme minnetdar bolaryn* ("Watan").

**ÄR-AÝAL** [ä:r-aýa:l], *at.* Maşgala jübüti, aýal we erkek. *Är-aýal bazara gitdi.*

**ÄRLERÇE** [ä:rlerçe], *hal.* Är ýaly, kişi kimin, gaýratlylyk bilen, mertlerçe. *Gürrüň özüne gezek gelende, Toýjan ärlerçe jogap gaýtardy* (B. Kerbabaýew).

**ÄRLI** [ä:rli], *syp.* Äri bar bolan (aýal hakynda). *Ärli aýal.*

**ÄRLIK** [ä:rlik], **1**. Äriň etmeli işlerini ýerine ýetirmeklik. **2**. *göç.m.* Edermenlik, mertlik, batyrlyk. *Ärden öndüm, ärlik bilen öler men* (Seýdi).

**ÄRLILIK** [ä:rlilik], *at*. Äri barlyk (aýal hakynda).

**ÄRSIZ** [ä:rsiz], *syp*. Äri bolmadyk, başyboş (aýal hakynda).

**ÄRSIZLIK** [ä:rsizlik], *at*. Başyboş, ärsiz bolmaklyk (aýal hakynda).

**ÄSGERILMEK** [ä:sğerilmek], *işl.* Sana goşulmak, adam hatarynda görülmek, sylanmak.

**ÄSGERME** [ä:sğerme], *iş ady.* Äsgermek ýagdaýy.

**ÄSGERMEK** [ä:sğermek], *işl.* **1**. Bir zat hasabynda görmek, sana goşmak, sylamak, hormatlamak. *Her bir adam öz halkynyň däbini äsgermelidir.***2**. Birinden çekinmek, üýşenmek. *Ol meni äsgermese, her zat eder.*

**ÄSGERMEKLIK** [ä:sğermeklik], *iş ady.* Äsgermek işi, hereketi.

**ÄSGERMEZLIK** [ä:sğermezlik], *iş ady.* Hiç zat hasabynda görmezlik, derege almazlyk, sylag-hormat goýmazlyk, äsgermezçilik. *Ýeri-ow, bu nähili äsgermezlik?* (B. Kerbabaýew). *Äsgermezlik etmek.*

**ÄSGERMEZÇILIK** [ä:sğermezçilik], *at, ser.* **Äsgermezlik.** *Adamlary äsgermezçilik etmek iň agyr günäleriň biridir* ("Watan").

**ÄSGERTMEK** [ä:sğertmek], *işl.* Äsgerer ýaly etmek, güýç görkezip, özüňi sylatmak.

**ÄSLEMEK** [ä:slemek], *işl., gepl. d., ser.* **Äsgermek 1**. *Sen adamlary äslemediň, eliňden gelen ýamanlygy etdiň.*

**ÄSLENMEK** [ä:slenmek], *işl., ser.* **Äsgerilmek** *Aman poşşy hem özüni äslenmedik hasaplap gahary gelipdir* (A. Gowşudow).

**ÄŞGÄR** [ä:şğä:r], *hal.* Aýan, aýdyň, belli, mälim. *Daýhan adamlaryň öz arassa zähmeti bilen baýap gitmegi üçin ähli zerur şertleriň döredilýänligi bu günki gün hemmelere äşgärdir* ("Türkmenistan").

◊ **Äşgär etmek** mese-mälim ýüze çykarmak, aýan etmek, belli etmek.

**ÄŞGÄRLIK** [ä:şğä:rlik], *at.* Aýanlyk, mälimlik, aýdyňlyk. *Wakanyň äşgärligi.*

**ÄT** [ä:t]**: ät galmak** tamakin bolup aldanmak, bir zada ymtylyp boş galmak; datman galmak. **Ät goýmak** boş goýmak, hiç zatsyz goýmak, aldamak. **Ädi ýanmak** agzy bişmek, çürkenmek, aldanmak.

**ÄTDIRMEK** [ä:tdirmek], *işl.* **1**. Birine gadam atdyrmak, ätletmek. *Öňe ätdirmek.* **2**. Ätmegine

sebäp bolmak. *Meni ätdiren şol gül boldy.* **3**. Ätmäge mümkinçilik bermek. *Şony şu ýere ätdirmäň!*

**ÄTEŇENÄLET** [äteňenä:let], *syp.*"Ataňa nälet" manysynda ulanylýan sögünç sözi.

**ÄTEŇET**, *syp*. Ýakymsyz, erbet, çirkin. *Uzyn ýeňli ellerini kelemenlendirip äteňet gygyrdy* (H. Garabaýew). *Gulaga ýakymsyz bir äteňet ses edip gidýärdi* (A. Esenmyradow).

**ÄTIŞGIR** [ätişği:r], *at*. Közi, kömri tutmak, ody ölçermek, dörmek üçin ulanylýan iki saply, ujy egri gural, mäşe. *Ogulhan ätişgir bilen ýanyp duran ojar oduny ikibaka süýşürişdirdi-de, taňkalary közüň üstünde goýdy* (Ý. Mämmediýew).

**ÄTIÝAÇ** [ä:tiýa:ç], *at*. **1**. Gorky. *Onuň ätiýaç edýän zady ýok*. **2**. Bir zatdan howatyrlanyp edilýän seresaplyk, ägälik, habardarlyk, hüşgärlik.

◊ **Ätiýajy elden bermezlik** habardar bolmaklyk, seresaplyk bilen hereket etmeklik, gapyl galmazlyk.

**ÄTIÝAÇLANDYRMA** [ä:tiýa:şlannyrma], *at*. Saglyga, emläge ýetip biläýjek ýitgileriň, zyýanlaryň öwezini dolmak üçin maliýe edarasy bilen baglaşylýan şertnama.

**ÄTIÝAÇLANDYRMAK** [ä:tiýa:şlannyrmak], *işl.* **1**. Ätiýaçly bolmagy ündemek, ätiýaçlanmagyny gazanmak. **2**. Ýörite edara döwürleýin ýagdaýda gatanç geçirmek arkaly, mümkin bolan zyýandan goraglylygy üpjün etmek. *Ömrüňi ätiýaçlandyrmak. Durmuşy ätiýaçlandyrmak.*

**ÄTIÝAÇLANDYRYŞ** [ä:tiýa:şlannyryş] **I**, *iş ady.* Ätiýaçlandyrmak ýagdaýy.

**ÄTIÝAÇLANDYRYŞ** [ä:tiýa:şlannyryş] **II**, *at*. Ätiýaçlandyrmak işini amala aşyryş.

**ÄTIÝAÇLANMA** [ä:tiýa:şlanma], *iş ady.* Ätiýaçlanmak ýagdaýy.

**ÄTIÝAÇLANMAK** [ä:tiýa:şlanmak], *işl.* **1**. Bir zatdan heder etmek, çekinmek. *Onuň ätiýaçlanýan zady ýok.* **2**. Mümkin bolan zyýandan goragly bolmak üçin, ýörite edara bilen şertnama baglaşmak.

**ÄTIÝAÇLANMAKLYK** [ä:tiýa:şlanmaklyk], *iş ady.* Ätiýaçlanmak ýagdaýy.

**ÄTIÝAÇLANMAZLYK** [ä:tiýa:şlanmazlyk], *iş ady ady.* Bir zatdan heder etmezlik, ätiýaç bolmazlyk.

**ÄTIÝAÇLANYŞ** [ä:tiýa:şlanyş], *iş ady.* Ätiýaçlanmak ýagdaýy.

**ÄTIÝAÇLY** [ä:tiýa:şly], *syp*. Seresaplylyk bilen hereket edýän, hüşgär.

**ÄTIÝAÇLYK** [ä:tiýa:şlyk], *at*. **1**. Seresaplylyk, ägälik. **2**. Soň gerek bolar diýip ýygnalyp goýlan (zat hakynda). *Atiýaçlyk awtomobil şaýlary*.

**ÄTIÝAÇSYZ** [ä:tiýa:şsyz], *syp*. Hiç zatdan gorkmaýan, çekinmeýän, üýşenmeýän. *Hiç zatdan ätiýaçsyz gürleme.*

**ÄTLEME** [ä:tleme], *iş ady.* Ätlemek ýagdaýy.

**ÄTLEMEK** [ä:tlemek], *işl.* **1**. Bir zadyň üstünden ädip geçmek, ädimläp geçmek. *Garly ussa howlynyň derwezesinden içine ätlän badyna, jaýlaryň biriniň işigi açyldy* (A. Gowşudow). **2**. *ser*. **Ätmek 1**. *Gapa tarap bir ädim ätläp, ýene-de saklandy* ("Edebiýat we sungat").

**ÄTLEÝIŞ** [ä:tleýiş], *iş ady.* Ätlemek hereketi, ýagdaýy.

**ÄTMEK** [ä:tmek], *işl.* **1**. Bir gadam atmak, ýöremek, gadam basmak. **2**. Bir ugra ýönelmek. *Men indi şol ýere tarap ätmerin.*

**ÄTMEKLIK** [ä:tmeklik], *iş ady*. Ätmek hereketi.

**ÄTMER-SÄTMER** [ä:tmer-sä:tmer]**: ätmer-sätmer etmek** uly-uly, tagaşyksyz ätläp gitmek, her ýerden bir basyp ýöremek. *Her ýerden bir ätmer-sätmer edip, maşyna tarap ýöredi* (N. Pomma).

**ÄTMEZ** [ä:tmez]**: ätmez bolmak** bir ýere barmagy bes etmek, kesmek.*Ol bu ýere ätmez bolandyr.*

**ÄTMEZLIK** [ä:tmezlik], *iş ady.* **1**. Ätmän durmak. **2**. Bir ýere barmazlyk, görünmezlik.

**ÄWDÜRMEK** [ä:wdürmek], *işl.* Äwer ýaly etmek; äwmegine sebäp bolmak; äwmäge mümkinçilik bermek. *Ony äwdirmeseň, gijä galýarys*.

**ÄWME** [ä:wme], *iş ady*. Äwmek ýagdaýy.

**ÄWMEK** [ä:wmek], *işl.* Howlukmak, gyssanmak. *Äwmek şeýtandandyr, sabyr – rahmandan, Yhlas eden myrat tapar kärinden* (B. Kerbabaýew).

**ÄWMEKLIK** [ä:wmeklik], *iş ady.* Äwmek hereketi.

**ÄWMEZEK** [ä:wmezek], *syp*. **1**. Howlukmazak, gyssanmazak, alňasamazak. *Pil janawer äwmezek bolýar.***2**. Haýal hereket edýän, agyr, agras, ýalta. *Äwmezek adam.*

**ÄWMEZEKLIK** [ä:wmezeklik], *at*. **1**. Howlukmazaklyk, gyssanmazaklyk, alňasamazaklyk. *Onuň äwmezekligi galjak däl.* **2**. Haýal hereket edijilik, agraslyk, ýaltalyk. *Hümmet etlek ýüzüniň derini süpürenden soň, äwmezeklik bilen söz urdy* (B. Kerbabaýew).

**ÄWMEZLIK** [ä:wmezlik], *iş ady*. **1**. Bir işi ýerine ýetireniňde, alyp-ýolup barmazlyk, howlukmazlyk, gyssanmazlyk. *Ol eden işiniň kemini goýmajak bolup, äwmän, howlukman işlärdi.* **2**. Haýal hereket etmeklik, agras halda bolmaklyk. *Ol äwmezlik bilen maşyndan düşdi-de, işläp duran adamlara tarap ýöneldi* (B. Pürliýew). *Öňden barýan adam äwmezlik bilen ädimleýärdi* (B. Seýtäkow).

**ÄWÜP-SÄWÜP** [ä:wüp-sä:wüp], *hal*. Setanda-seýranda, ýoly düşüp, käwagt. *Äwüp-säwüp Tejene düşäýseňiz, waharman iýmän gaýtmaň.*

**ÄWÜŞ** [ä:wüş], *iş ady*. Äwmek derejesi, ýagdaýy.

**ÄÝ**, Bir zada perwaýsyzlyk, parhsyzlyk bilen seredilende ulanylýan söz, aý. *Äý, ýok-la, garyndaş, bu bolşuň däl-le* (B. Hudaýnazarow).

**ÄÝNEK** [ä:ýnek] **I**, *at*. Görejiň görşüni gowulandyrmak ýa-da gözi gaty ýagtydan goramak üçin göze dakylýan enjam. *Ol aňyrdan gelşine biziň bilen salamlaşdy-da, äýnegini dakynyp, heýkele syn etmäge durdy* (T. Taganow).

**ÄÝNEK** [ä:ýnek] **II**, *at*. **1**. Nowanyň iki başynda goýlan gysga ýasy tagta. *Guýynyň başyndaky nowanyň äýnegini tázelediler.* **2**. Gaýygyň içinden keseligine geçýän, iki gorumy birikdirýän agaçlar.

# F

**F**, Türkmen elipbiýiniň ýedinji harpy.

**FABRIK** [fa:vri:k], *at*. Çig maly enjamlaryň kömegi bilen işläp bejerýän senagat kärhanasy.

**FAKS** [fa:ks], *at*. Telefaks arkaly ýazmaça ugradylýan we kabul edilýän maglumat, habar (*ser*. **Telefaks**).

**FAKT** [fa:kt], *at*. Hakyky zat, bolan waka, hadysa; hakykatda bolan, bolýan, bar zat. *Faktlary barlamak.*

**FAKTOR** [fa:ktor], *at*. Haýsydyr bir hadysada kesgitleýji pursat, ýagdaý.

**FAKULTET** [fakulte:t], *at*. Ýokary mekdebiň bölümi.

**FAMILIÝA** [fami:lýa], *at*. Maşgalabaşynyň nesliniň resmileşdirilen ady.

**FAMILIÝADAŞ** [fami:lýadaş], *at*. Birmeňzeş familiýaly; garyndaş bolmadyk, emma meňzeş familiýany göterýän (adamlar). *Familiýadaş adam. Ol meniň familiýadaşym.*

**FAŞIZM** [faşi:zm], *at*. Hüjüm ediji milletçilik we hamala diýersiň "arassa ganly we beýlekilerden beýik millet" hakyndaky ideologiýa esaslanýan syýasy akym hem-de şunuň ýaly syýasatyň esasynda döredilen diktatorçylyk düzgün. *Faşizme garşy göreşmek.*

**FAÝL** [fa:ýl], *at*. Kompýuteriň bitewi bir zat hökmünde tanaýan özara baglanyşykly maglumatlarynyň jemi.

**Fe** [fe:], Türkmen milli elipbiýiniň ″F″ harpynyň ady.

**FENELOGIÝA** [fenelo:ğiýa], *at*. Biologiýanyň pasyllaryň çalyşmagy bilen janly tebigatyň ösüşinde bolup geçýän döwürleýin hadysalary öwrenýän bölümi.

**FESTIWAL** [festiva:l], *at*. Sungatyň iň gowy gazananlarynyň gözden geçirilişi, köpçülikleýin baýramçylygy.

**FEÝERWERK** [feýerve:rk], *at*. Dabaralarda, baýramçylyklarda we ş.m. däriden ýa-da pirotehniki önümlerden ýasalyp, ýakylyp atylýan dürli reňkli owadan bezeg otlary.

**FEWRAL** [fevra:l], *at*. Milady senenamasy boýunça ýylyň ikinji aýy.

**FILM** [fi:lim], *at*. **1**. Ýüzüne şekilleriň suraty düşürilen we ses ýazylan kino lentasy. *Sessiz film. Sesli film.* **2**. Ssenariniň esasynda döredilen çeper kino lentasy. *Çeper film.*

**FILOLOG** [filolo:k], *at*. Filologiýadan hünärmen, alym.

**FILOLOGIK** [filolo:ğik], *syp*. Filologiýa degişli. *Filologik bilim.*

**FILOLOGIÝA** [filolo:giýa], *at*. Her bir halkyň dilini we edebiýatyny teswir etmäge mümkinçilik berýän ýazuw ýadygärliklerini, tekstleri we ş.m. öwrenýän ylymlaryň jemi. *Filologiýa ylymlary.*

**FILOSOF** [filo:sof], *at*. Filosofiýadan alym hünärmen.

**FILOSOFIK** [filoso:fik], *syp*. Filosofiýa ylmyna degişli, filosofiýa mahsus bolan, pelsepewi.

**FILOSOFIÝA** [filoso:fiýa], at. Tebigatyň, jemgyýetiň we pikirlenmäniň ösüşiniň in bir esasy kanunlary hakyndaky ýörite ylym, pelsepe.

**FINAL** [fina:l], *at*. Sport ýaryşlarynyň netijelerinde ýeňijileri ýüze çykarýan jemleýji bölek. *Finala çykmak.*

**FIRMA** [fi:rma], *at*. Fiziki şahs tarapyndan öz karary esasynda we onuň eýeçiligindäki emlägi peýdalanmak arkaly döredilen hojalyk, söwda, senagat we ş.m. kärhanasy görnüşindäki ýuridik şahs.

**FIZIK** [fi:zik], *at*. Fizikadan hünärmen.

**FIZIKA** [fi:zika], *at*. **1**. Tebigat hadysalarynyň, ýönekeý hem-de umumy kanunalaýyklyklaryny, materiýanyň hereketlerini, gurluşyny we hereket kanunlaryny öwrenýän ylym. **2**. Okuw dersi.

**FIZIKI** [fi:ziki], *syp*. Adamyň beden taýdan ösüşine degişli. *Aşgabadyň etegindäki Gökdere jülgesindäki çagalar sagaldyş merkezlerinde we Hazaryň kenarynda döredilýän "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda dynç almaklary we olaryň fiziki taýdan sagdyn ösmegi üçin ähli şertler göz öňünde tutuldy* (Gurbanguly Berdimuhamedow. ″Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz″).

◊ **Fiziki şahs** hukuk subýekti, onuň üsti bilen hukuk tertibi her adamyň hukuk durmuşyna gatnaşmaga bolan hukugyny ykrar edýär, şeýle-de ol şahs hukuklaryň we borçlaryň göterijisi bolýar (*ser*. **Şahs**).

**FIZIOLOGIÝA** [fiziýolo:ğiýa], *at*. **1**. Organizmiň, onuň öýjükleriniň, organlarynyň, funksional sistemalarynyň işleýşi hakyndaky ylym. **2**. Organizmde we onuň böleklerinde bolup geçýän ýaşaýyş prosesleriniň jemi.

**FLOT** [fylo:t], *at.* **1**. Howada uçýan uçarlaryň we suwda ýüzýän gämileriň jeminiň tutuş ady. *Söwda floty. Hazar deňiz floty.* **2.** Harby gämileriň iri birikmesi. **3.** Ýurduň harby-deňiz güýçleriniň ady. *Flotyň serkerdesi.*

**FLOTILIÝA** [fyloti:liýa], *at.* Harby gämileriň haýsydyr bir ummanda, deňizde ýerleşýän birikmesi. *Hazar deňiz flotiliýasy. Gara deňiz flotiliýasy.*

**FOLKLOR** [folklo:r], *at.* Halk döredijiliginiň dilden aýdylýan eserleri.

**FOND** [fo:nt], *at.* **1.** Haýsydyr bir zadyň gory, serişdeleri. *Ýer fondy. Kartoteka fondy. Kitap fondy.* **2.** *ser.* **Gazna.**

**FONEMA** [fone:ma], *at.* Diliň ses gurluşynyň sözüň manysyny tapawutlandyrmak üçin hyzmat edýän iň kiçi birligi. Mysal üçin: ýogynlyk – inçelik taýdan [a] – [e] sesleri (bar – ber, al – el), uzynlyk–gysgalyk taýdan tapawutlanýan [a] – [a]: [o] – [o:] [ö] – [ö]: sesleri (bar – ba:r, ot – o:t, öt – ö:t) aýry-aýry fonemalardyr.

**FONETIKA** [fone:tika], *at.* Diliň ses gurluşyny öwrenýän ylym.

**FONOLOGIÝA** [fonolo:ğiýa], *at.* Dil biliminiň fonemalar sistemasyny öwrenýän bölümi**.**

**FORMA** [fo:rma/fo:rmo], *at.* **1**. Her bir zadyň, predmetiň daşky şekili, daşky görnüşi. **2**. Çeper eseriň şekillendiriş serişdeleriniň we ony döretmekde peýdalanylan tärleriň jemi. *Goşgynyň formasy.* **3**. Dil biliminde grammatik manyny aňlatmak üçin ulanylýan dil serişdeleri (goşulmalar). *Işligiň häzirki zaman formasy. Hal işlik formasy.*

**FORMULA** [fo:rmula], *at.* Matematiki belgileriň haýsydyr bir tassyklamany aňladýan utgaşmasy.

**FORTEPIANO** [fortepýa:no], *at*, *sazç*. Barmak bilen basylyp çalynýan saz guraly.

**FORUM** [fo:rum], *at*. Köp sanly wekilleriň gatnaşmagynda geçirilýän ýygnak. *Forum geçirmek. Foruma gatnaşmak. Forumda çykyş etmek*.

**FOSFOR** [fo:sfor], *at*. Mendeleýewiň tablisasynyň 15-nji elementi; aňsatlyk bilen ýanýan, garaňkylykda ýagtylyk berýän, käbir minerallarda, haýwan süňklerinde we ösümlik dokumalarynyň düzüminde bolan himiki jisim.

**FOTOSURAT**, *at.* Düşürilen surat.

**FRANSUZ** [fransu:z], *ser.* **Fransuzlar**.

**FRANSUZLAR** [fransu:zlor], *at*. Fransiýanyň ýerli halky, esasy ilaty.

**FRAZA** [fyra:za], *at, dil b*. Sözleýşiň gutarylan pikiri aňladýan bölegi. Iki taraply gepleşikde (dialogda) aýdylýan durnukly söz düzümleri.

**FRAZEOLOGIÝA** [frazeolo:ğiýa], *at.* **1**. Haýsydyr bir diliň durnukly aňlatmalarynyň jemi. **2**. Dil biliminiň durnukly aňlatmalary öwrenýän bölümi.

**FUNKSIÝA** [fu:nksiýa], *at.* Dil birliginiň dil sistemasynda, sözleýişde eýeleýän orny, ýerine ýetirýän hyzmaty.

**FURKAN** [furka:n], *at, k. d.* **1**. Mukaddes kitap. **2**. Gurhan. *Furkan inen hak resuly-Mustapa* (Kätibi). **3**. Töwrat.

**FUTBOL** [futbo:l], *at*. Iki toparyň oýunçylarynyň topy garşydaşlarynyň derwezesinden geçirmek üçin depip oýnaýan sport oýny.

**FUTBOLÇY** [futbo:lçy], at. Futbol bilen meşgullanýan türgen, futbol oýunçysy.

# G

**G**, Türkmen elipbiýiniň sekizinji harpy.

**GABA** [ga:va], *syp*. **1**. Gabarasy, daş görnüşi boýunça ullakan, gabaraly. *Başy gaba telpekli adam*. **2**. Çişik, ýogyn, pökgi.

**GABABERMEK** [ga:va:vermek], *işl.* Gabap başlamak; gabamagy dowam etdirmek.

**GABADYNA** [gavadyna], *sözs. k.* Öň tarapyna, öňüne, garşysyna, golaýyna, deňine. *Şahyr mazasyz pikirleriň ýesirligini çekip, öýüniň gabadyna neneňsi ýetenini duýman galdy* (G. Kulyýew).

◊ **Gabadyna getirmek** amatly ýagdaýa salmak, ýerini bilip iş etmek. *Ol ahyry gabadyna getirip, öz pikirini dostlaryna ýetirdi.*

**GABADYNDA** [gavadynna], *sözs. k.* Öň tarapynda, öňünde, garşysynda. *Mekdebiň gabadynda atyz bar.*

**GABAHAT** [gavahat], *syp.* Ile sygmaýan, hiç heňe gelmeýän, ilden çykgynç, örän erbet, ýaramaz, aýyp. *Ine, şu gabahat gürrüň gulaga ýakanok* (T. Taganow).*Gabahat iş*.

**GABAHATÇYLYK** [gavahatçylyk], *at, ser.* **Gabahatlyk**. *Toba, adam diýeniň dünýäde ýaşap ýörse, her tüýsli gabahatçylygy eşidip görjeg-ow* ("Edebiýat we sungat").

**GABAHATLYK** [gavahatlyk], *at.* Ilden çykgynlyk, örän erbetlik, ýaramazlyk, hiç heňe gelmezlik. *Heý, beýle-de gabahatçylyk bolarmy?* (T. Gurbanow).

**GABAK** [ga:vak] **I**, *at.* Adamlaryň we oňurgaly haýwanlaryň gözleriniň üstüni örtýän gyrasy kirpikli ham örtükleri.

◊ **Gabak astyndan** gizlin, ýaşyryn, duýdurman. *Ol ony telim gezek suw ýolunda gabak astyndan höwes bilen nazarlapdy* (G. Kulyýew). **Gabak galdyrmazlyk (galdyrmak)** hiç zada, hiç kime üns bermezlik; gyzyklanmazlyk, höweslenmezlik. *Sen meniň şu çaka*

*çenli kişi maşgalasyna gabak galdyranymy gördüňmi?* (Ö. Abdyllaýew).

**GABAK** [ga:vak] **II**, *at, kön.s.* Kädi.

**GABAKMAN** [ga:vakman], *syp.* Pökgi gabakly, gabagy uly, gabagy güberip duran. *Ol gabakman, pökgüräk goýun gözli adam.*

**GABAKMANRAK** [ga:vakmanyra:k], *syp.* Birneme gabakman. *Ol gabakmanrak ullakan gözlerini eserdeňlik bilen ikibaka aýlaýardy* (Ý. Mämmediýew).

**GABAL** [ga:val]: **gabal basmak** nämedir bir zady gabanyp howpurgamak. *Ol Hoşgeldi öz gepini mamla eder öýdüp gabal basýardy* (A. Gowşudow).

**GABALAMAK** [gavalamak], *işl.,gepl. d.,ser.* **Gabatlamak**. *Dynç gününi gabalap, öýlerine bardyk.*

**GABAL-GABAL** [ga:val-ga:val], *syp.* Esassyz ýere gabanyp durýan, gabanjaň häsiýetli, gabanagan. *Gabal-gabal adam. Gabal-gabal bolmak.*

**GABALMAK** [ga:valmak], *işl.* **1**. Töwerek-daşyna halkalaýyn aýlanylmak, gabaw edilmek, daşy gurşalmak. *Duşmanyň daşy gabalypdy*. **2**. Gabaw ýere salynmak, bir ýere gysylmak, gabawa düşürilmek. *Kerwensaraýa getirilip gabalýança, özüni tanap tutandyrlar öýdüp gorkdy* (B. Seýtäkow).

**GABALYK** [ga:valyk], *at.* **1**. Göwrümi ululyk, gabaralylyk. *Ýüküň gabalygy howatyrlydy.* **2**. Çişiklik, pökgülik.

**GABAMA** [ga:vama], *iş ady.* Gabamak ýagdaýy.

**GABAMAK** [ga:vamak], *işl.* **1**. Töwerek-daşyna halkalaýyn aýlanmak; gabawa düşürmek, daşyny gurşamak. *Balkan daglarynyň öňüni käte-käte gara bulutlar gabap alýarlar* (B. Pürliýew). **2**. Uruşda duşmanyň daşyny almak, çykjak ýerini beklemek, töwereginden gysmak. *Galanyň daşyny sekiz ýüz atly gabapdy* (G. Kulyýew). **3**. Gabaw ýerine salmak, bir ýere gysmak. *Haýwanlaryň baryny bir saraýa gabaň-da, agzyny daşyndan gulplaň* (B. Kerbabaýew). *Oglanlar öz tutan awlaryny ýene gapyrjaga gabadylar* (N. Esenmyradow). **4**. *göç.m.* Söz bilen alarlatmak, daşyna geçmek, degmek, darykdyrmak, gyssamak. *Her haýsysy bir zat diýip, Gabaýarlar Ogullany* (K. Gurbannepesow).

**GABAMAKLYK** [ga:vamaklyk], *iş ady.* Gabamak ýagdaýy.

**GABAMAZLYK** [ga:vamazlyk], *iş ady.* Gabap durmazlyk, gabawa almazlyk.

**GABANDYRMAK** [ga:vannyrmak], *işl.* Başga biri gabanar ýaly etmek, birini howsala düşürmek. *Mamanyň öwgüsi Sadap baýyň göwnünden tursa-da, ony biraz gabandyrjak ýaly etdi* (B. Kerbabaýew).

**GABANJAŇ** [ga:vanjaň], *syp.* Gabanmak häsiýeti, gylygy bar bolan, birini ýa-da bir zady özgelerden gysganyp goraýan. *Gabanjaň adam.*

**GABANJAŇLYK** [ga:vanjaňlyk], *at.* Gabanjaň häsiýetli, gylykly bolmaklyk. *Onuň ýüreginde gabanjaňlyk duýgusy peýda boldy* (B. Gulow).

**GABANJAŇRAK** [ga:vanjaňyra:k], *syp.* Azda-kände gabanjaň. *Onuň gabanjaňrak oglanlygy gyza ýaramaýardy.*

**GABANJYRAMAK** [ga:vanjyramak], *işl.* Az-kem gabanmak, birneme gabanmak.

**GABANMA** [ga:vanma], *iş ady.* Gabanmak ýagdaýy.

**GABANMAK** [ga:vanmak] **I**, *işl.* Birini, bir zady we ş.m. beýlekileriň ýakynlaşmagyndan, eýelik etmeginden, golaýlaşmagyndan gysganmak. *Myhman myhmany gabanar, öý eýesi ikisinem* (Nakyl).

**GABANMAK** [ga:vanmak] **II**, *işl., k.d.* Buky ýere girmek, bir ýeri pena edinmek, gizlenmek. *Bagşyny alyp gaçan atlylar gala gaçyp gabandylar* ("Nejep oglan").

**GABANMAKLYK** [ga:vanmaklyk], *iş ady.* Gabanmak ýagdaýy.

**GABANMAZLYK** [ga:vanmazlyk], *iş ady.* Gabanyp durmazlyk, gabanjaňlyk etmezlik.

**GABANYŞ** [ga:vanyş], *iş ady.* Gabanmak ýagdaýy.

**GABANYŞMAK** [ga:vanyşmak], *işl.* Biri-biriňden gabanmak, birnäçe adam gabanmak. *Olar biri-birini gabanyşyp ýörler. Ikisi iki ýerden gabanyşdylar.*

**GABARA** [gavara], *at.* **1**. Göwrümli zadyň daş görnüşi; göwrüm. *Olar öz gabaralarynyň ölçegine laýyk kölege salýardylar* (A. Gowşudow). *Gabarasy uly sandyk.* **2**. Möçber, gerim, göwrüm. *Ýöne türkmen edebiýatynyň tutuş gabarasyny göz öňüne getirip görseň, bu entek ýeterlik däl* ("Edebiýat we sungat").

**GABARAK** [ga:vara:k], *syp.* Azda-kände gaba, ulurak. *Atçaparyň telpegi gabarak bolardy.*

**GABARÇYK** [ga:varçyk], *at.* Eliň ýa-da aýagyň bir ýeriniň derisiniň sürtülmegi sebäpli suw ýygnanyp gabaran, pökgeren bölejigi. *Bu gabarçyklar ýöne ýerden emele gelenok* ("Edebiýat we sungat").

**GABARMA** [ga:varma], *iş ady.* Gabarmak ýagdaýy, derejesi.

**GABARMAK** [ga:varmak], *işl.* **1**. Gabarasy ulalmak, pökgermek, gübermek, çişmek. *Haltalar gitdigiçe gabarýar.* **2**. Gabarçyk emele gelmek, pakgarmak. *Onuň elleriniň içi gabarypdyr*. **3**. *gepl.d.* Çaga bolar wagty ýakynlamak, aý-güni dolaňkyrlamak (göwreli aýal hakynda). **4**. *göç.m.* Özüňi ýokary tutmak, hondanbärsi bolmak, ulumsy tutmak, çişmek, gabarylmak. *Näme, beýle gabaran bolýaň?*

**GABARMAKLYK** [ga:varmaklyk], *iş ady.* Gabarmak ýagdaýy.

**GABARMAZLYK** [ga:varmazlyk], *iş ady.* Gabarmak derejesine ýetmezlik, gabaryp durmazlyk.

**GABARTMAK** [ga:vartmak], *işl.* **1**. Içine zat salyp pökgertmek, gübertmek, çişirmek. *Onuň ýygan pagtasy haltasyny gabardypdyr.* **2**. Gabarçyk emele getirmek, gabarçyk döretmek. *Käte agsap, kä gabardyp aýagyn, Içi gysyp töwerege bakardy* (Ç. Gurbangylyjow). **3**. *gepl.d.* Bolşundan uly görkezjek bolmak, ulaltmak. *Ol oňa öz eden işini gabardyp görkezmäge ýol bermedi.*

**GABARYLMA** [ga:varylma], *iş ady.* Gabarylmak ýagdaýy, derejesi.

**GABARYLMAK** [ga:varylmak], *işl.* Özüňi hondanbärsi tutmak, ulumsy tutmak, gopbamsyramak, göwnühoşlukdan göterilmek. *Köse zaňňar gabarylyp, donuna syganok* ("Görogly"). *Namart öýünde gabarlar, Bir zerre ýakmaz iş bolsa* (Zelili).

**GABARYLMAKLYK** [ga:varylmaklyk], *iş ady.* Gabarylmak ýagdaýy.

**GABARYLMAZLYK** [ga:varylmazlyk], *iş ady.* Özüňi hondanbärsi tutmazlyk, gopbamsyramazlyk.

**GABARYLYBERMEK** [ga:varlyvermek], *işl.* Gabarylyp ugramak, göterilip başlamak. *Görüm-görelde görmedik kişi kiçijik dereje ýetdigi bes, derrew gabarylyberýär.*

**GABARYLYŞMAK** [ga:varlyşmak], *işl.* Iki ýa-da ondan köp bolup, hondanbärsi bolmak, gopbamsyraşmak, gabaryşmak. *Pälwanlar gabarylyşyp, öýüň daş-töwereginde aýlanyşyp ýörler* (A.Gowşudow).

**GABARYŞ** [ga:varyş], *iş ady.* Gabarmak ýagdaýy.

**GABARYŞMAK** [ga:varyşmak], *işl., ser.* **Gabarylyşmak**. *Olar öz ýanlaryndan gabaryşyp, ýarylaýjak bolýardylar.*

**GABAŞMAK** [ga:vaşmak], *işl.* **1**. Gabamaga kömek etmek. *Sygyrlary kümä gabaşdy.* **2**. Bilelikde gabamak. *Çopanlar sygyrlary ýataklaryna gabaşyp durdular.*

**GABAŞMAZLYK** [ga:vaşmazlyk], *iş ady.* Gabamaga kömek etmezlik.

**GABAT** [gavat], *at.* **1**. Biri-biri bilen ýüzbe-ýüz, bir zadyň gös-göni alyny, göni garşysy. *Ol meniň gabat garşymda oturdy.* **2**. Ýöneliş, wagt-orun, çykyş düşümlerde gelip, sözsoňy kömekçi hyzmatyny ýerine ýetirýär.

◊ **Gabat bolmak** bir zada dulanmak, öňüni gabsamak, öňüni örtmek. *Olaryň käbiri Günüň öňüne gabat bolup, onuň ýaldyrawuk ýüzüni örtýärdiler* (B. Gulow). **Gabat gelen** öňýeten, ilki duşan, çem gelen. *Men häzir gabat gelen ulaga münüp, şol ýere gideýin.* **Gabat gelmek 1)** birine ýa-da bir zada duş gelmek, pete-pet bolmak, duşmak. *Ýusup goýun bakyp ýörkä, Nury kel oňa tötänden gabat geldi* (B. Soltannyýazow). *Dostuma teatrda gabat geldim*. **2)** laýyk gelmek. *Ikimiziňem doglan günümiz gabat gelýär*.

**GABATLAMA** [gavatlama], *iş ady.* Gabatlamak ýagdaýy.

**GABATLAMAK** [gavatlamak], *işl.* **1**. Garşyma-garşy etmek, ýüzbe-ýüz etmek, gabatma-gabat etmek. **2**. Dogrulamak, gönülemek. *Çopan sürini ýataga gabatlap sürüp gelşine ep-esli ýol geçdi* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Bir waka, senä, wagta laýyk getirmek, biri-birine gabat getirmek. *Şöhratly senä gabatlap, teatr iki oýny goýmakçy* ("Edebiýat we sungat").

**GABATLAMAKLYK** [gavatlamaklyk], *iş ady.* Gabatlamak ýagdaýy.

**GABATLANMAK** [gavatlanmak], *işl.* Bir waka, senä, wagta laýyk getirilmek, biri-birine gabat geler ýaly edilmek. *Ýazyjynyň eserler ýygyndysy onuň doglan gününe gabatlanyp çykaryldy.*

**GABATLAÝYŞ** [gavatlaýyş], *iş ady.* Gabatlamak ýagdaýy.

**GABATMA-GABAT** [gavatma-ğavat], *hal.* Biri-birine bakyp duran, garşyma-garşy, ýüzbe-ýüz. *Jaýlar biri-birine gabatma-gabat salnypdyr.*

**GABATMAK** [ga:vatmak], *işl.* **1**. Daş-töweregini gurşap aldyrmak, daşyna halkalaýyn aýlandyrmak, gabawa aldyrmak. **2**. *göç.m.* Söz bilen alarlatdyrmak.

**GABAW** [ga:vow], *at.* **1**. Bir zadyň töweregini gabap duran germew, gurşaw, agyl. *Gabawda duran mal.* **2**. Uruşda duşmanyň daşyna gurlan goşun halkasy, goşun aýlawy. *Duşmanlaryň ýeňsesinde bolan bir söweşde bular ýedi adam bolup duşmanyň gabawyna düşdüler* (A. Gowşudow). **3**. Daşky dünýä bilen aragatnaşygyny kesmek üçin duşmançylykly döwletiň, şäheriň töwerek-daşyny baglap goýmak ýagdaýy. *Leningrad gabawy*.

**GABAÝYŞ** [ga:vaýyş], *iş ady.* Gabamak ýagdaýy.

**GABRYSTAN** [gavryssa:n], *at.* Ölen adamlaryň jaýlanýan ýeri, gonamçylyk, mazarçylyk. *Imansyz ýüzige ýüzüm düşinçä, Mesgenimi gabrystanda eýlegil!* ("Melike – Dilaram").

**GABRYSTANLYK** [gavryssa:nlyk], *at, ser.* **Gabrystan**. *Bular gijäni şol gabrystanlykda geçirmekçi boldular* ("Zöhre – Tahyr").

**GABSA** [gavsa], *at.* **1.** Gapynyň, äpişgäniň iki gapdalyny gabsap duran we petle bilen gapyny, penjiräniň içki böleklerini saklap duran agaç bölegi. **2**. Gün düşmezlik üçin äpişgäniň daş ýüzündäki açylyp-ýapylýan agaç gapysy.

◊ **Gabsa ýaly** (adam hakynda) boýy uzyn, daýaw. *Gabsa ýaly adam*. *Pylanynyň ogly gabsa ýaly bolup ýetişipdir*.

**GABSAGÖL** [gavsağö:l], *at.* Hala salynýan töweregi diş-diş, labyr şekilli gölüň bir görnüşi.

**GABSAL** [ga:vsal], *syp.* Töweregi gurşalan, daryşgan, gysby, dymyk, petiş, howa ýetmeýän, kapas. *Bu ýer mal üçin gabsal. Ösümlik gabsal ýerde oňat ösmeýär.*

**GABSALAMA** [gavsalama], *iş ady, gepl.d.* Gabsalamak işi.

**GABSALAMAK** [gavsalamak], *işl., gepl.d.* Gapy oturtmak, gabsa oturtmak. *Ähli jaýlary gabsaladylar.*

**GABSALAMAKLYK** [gavsalamaklyk], *iş ady, gepl.d.* Gabsalamak ýagdaýy.

**GABSALANMAK** [gavsalanmak], *işl., gepl.d.* Gapy oturdylmak.

**GABSALATMAK** [gavsalatmak], *işl., gepl.d.* Gapy oturtdyrmak.

**GABSALAÝYŞ** [gavsalaýyş], *iş ady, gepl.d.* Gabsalamak ýagdaýy.

**GABSALLYK** [ga:vsallyk /gavsallyk], *at.* Töweregi agaçlar, jaýlar we ş.m. bilen gurşalan ýagdaýda bolmaklyk, alaň-açyk dällik, daryşganlyk, gysbylyk, dymyklyk, petişlik, howa ýetmezlik, kapaslyk. *Howlynyň gabsallygy gök ekinleri ösdürmeýärdi.*

**GABSALMAK** [ga:vsalmak], *işl.* **1**. Daş-töweregi tutulmak, ýapylmak. **2**. Öňi tutulmak, öňi saklanmak.

**GABSAMA** [ga:vsama], *iş ady.* Gabsamak ýagdaýy.

**GABSAMAK** [ga:vsamak], *işl.* **1**. Daş-töweregini tutmak, ýapmak. *Gür bag jaýyň töweregini gabsap dur.* **2**. Tutmak, saklamak, gabamak. *Aşyr gyzyň öňüni gabsap, ony goýbermedi* (B. Gulow).

**GABSAMAKLYK** [ga:vsamaklyk], *iş ady.* Gabsamak ýagdaýy.

**GABSAMAZLYK** [ga:vsamazlyk], *iş ady. G*absap durmazlyk.

**GABSATMAK** [ga:vsatmak], *işl.* Bir zada öňüni ýapdyrmak, bir zat öňüni tutar ýaly etmek. *Ejem bärsinden tüssäni gabsadyp goýberdi* (N. Pomma).

**GABSAÝYŞ** [ga:vsaýyş], *iş ady.* Gabsamak ýagdaýy.

**GABŞAL** [gavşal], *syp.* Daş-töweregi ýapyk, bagly. *Gabşal ýer.*

**GABŞYRMA** [gavşyrma], **1**. *iş ady.* Gabşyryş ýagdaýy. **2**. *tikinç.* Iki matanyň gyrasy biri-birine deň getirilip tikilýän tikiniň bir görnüşi. *Matanyň gabşyrmasy sökülipdir.*

**GABŞYRMAK** [gavşyrmak], *işl.,tikinç.* Iki matanyň gyrasyny biri-birine gabat getirip tikmek, ýabşyrmak. *Tahýanyň etegini çöwre ýüzünden gabşyrmaly.*

**GABŞYRMAKLYK** [gavşyrmaklyk], *iş ady.* Gabşyrmak ýagdaýy.

**GABŞYRMAZLYK** [gavşyrmazlyk], *iş ady.* Gabşyryp tikmezlik.

**GABŞYRTMAK** [gavşyrtmak], *işl.,tikinç.* Iki matanyň gyrasyny biri-birine deň getirip tikdirtmek.

**GABŞYRYBERMEK** [gavşyryvermek], *işl.* Gabşyryp başlamak; gabşyrmak işini dowam etdirmek. *Köýnegiň etegini şunuň ýaly et-de gabşyryber*.

**GABŞYRYŞ** [gavşyryş], *iş ady.* Gabşyrmak usuly.

**GABŞYRYŞMAK** [gavşyryşmak], *işl.* Gabşyrmaga kömekleşmek; bilelikde gabşyrmak.

**GABYK** [ga:vyk], *at.* **1**. Ösümlikleriň we olaryň kökünüň, baldagynyň, şeýle hem onuň hasylynyň daşyndaky tebigy dolagy, örtügi. *Soganyň gabygy. Agajyň gabygy*.**2**. Käbir zadyň daş ýüzündäki gaty gatlak, daş ýüzündäki örtük. *Ýumurtga gabygy.*

**GABYL** [gavy:l], *syp.* Ykjam, gaýym, çemeli. *Bu çemedan agyr-da bolsa, götermäge gabyl.*

**GABYR** [gavyr], *at.* Merhumyň jaýlanýan ýeri, meýit, jeset gömlen ýer, mazar, gör. *Gölegçiler baranlarynda, onuň gabry gazylyp gutarylypdy* (B. Kerbabaýew).

◊ **Gabryňda (görüňde) dik oturasyň** (*gargyş*) “Ýagşylyga ýüzüň düşmesin, ol dünýäde-de ejirden dynma” diýen manydaky gargyş. **Gabryň gazyldymy?** barmasyz ýere baranyňda aýdylýar. *Olarda gabryň gazyldymy? Näme üçin bardyň?* **Gabryň gyrasyndan gaýtmak** zordan ölmän galmak. *Öňki çagamyz bolanda-da, aýalym gabryň gyrasyndan gaýtdy* (N. Pomma). **Gabyr azabyndan bolsun!** “Şu dünýäde çeken azabyň o dünýäde hasap edilsin” diýen manyda aýdylýan söz. **Gabyr bol** (*gargyş*). **Gabyr et** *gödek s.* ýok et, güm et, ýitirim et. **Gabyr gysan ýaly** dar.

**GABYRDATMAK** [gavyrdatmak], *işl.* Gabyr-gubur edip basmak, salymyny bermän basmak, düýrläp basmak. *Derwezä ýetmänkä, muny gabyrdadyp basdylar* ("Görogly").

**GABYR-GUBUR** [gavyr-ğuvur]: **gabyr-gubur basmak** birden, birbada salymyny bermän, derrew basmak, düýrläp basmak. **Gabyr-gubur etmek** üýrüp topulmak, agyz urmak (it hakynda). *Itiň gabyr-gubur edip topulmasy bardy.*

**GABYRTLAMAK** [gavyrtlamak], *işl.,gepl. d.,ser.* **Gabyrdatmak**. *Indi ylla mes iner ýaly bolup, Hangulyny gabyrtlap basdy* (N. Saryhanow).

**GABYZ** [gavyz]: **gabyz bolmak 1)** dykyn almak, dolmak. *Söz bilen için açyp, Gabz olup dolan, köňlüm, Jan pany, jahan pany, Köpene çolan, köňlüm* (Magtymguly). **2)** örän buşugasyň gelmek.

**GABZA** [gavza], *at, kön.s.* Sap, desse.

**GABZAMA** [gavzama], *iş ady.* Gabzamak ýagdaýy.

**GABZAMAK** [gavzamak], *işl.,gepl.d.* Hereketiň amala aşmagyna bökdenç bolmak, päsgel bermek, öňüni almak, böwet bolmak. *Jepbaryň süňňi başga bir zat syzany üçin, indi boljak soraglaryň öňüni gabzap, gürrüňi başga ýana sowmak küýüne düşdi* (B. Kerbabaýew).

**GABZAMAKLYK** [gavzamaklyk], *iş ady.* Gabzamak ýagdaýy, derejesi.

**GABZAÝYŞ** [gavzaýyş], *iş ady.* Gabzamak ýagdaýy.

**GAÇA**: **gaça durmak** çetde durmak, gaýra durmak, çetleşmek, goşulmazlyk, golaýlaşmazlyk. *Içaly edilip iberilendir öýdüp, olardan gaça durýardylar* (N. Saryhanow). **Gaça uruş** duşmana emel etmek maksady bilen, kä urşup, kä yza çekilip, alnyp barylýan söweş täri.

**GAÇA-GAÇ** [gaça-ğaç], *at.* Bosgy, gaçyşlyk, gaçha-gaç, dumly-duşa gaçyş, bosuş. *Gaça-gaç, kowha-kow onuň heniz gören zady däldi* ("Görogly").

**GAÇA-GAÇLYK** [gaça-ğaşlyk], *at.* Bosa-bosluk, gaçha-gaçlyk, dumly-duşa gaçmaklyk, bosmaklyk.

**GAÇAGAN** [gaçağan], *syp., ser.* **Gaçak**. *Gaçagan mal. Gaçagan göle.*

**GAÇAGANLYK** [gaçağanlyk], *at, ser.* **Gaçaklyk**.

**GAÇAK**, *syp.* **1**. Gaçmaga endik eden, gaçjak bolup duran, gaçagan (mal hakynda). *Gaçak düýe.* **2**. *göç.m.*, *gepl.d.* Kän görünmeýän, gelip-gitmeýän, kän bir gatnaşmaýan, gaça durýan. *Soňky wagtlarda sen ýaman gaçak bolupsyň.* **3**. *gepl.d.* Satmasy, almasy, getirilmesi, äkidilmesi gadagan edilen haryt. *Allaýar tulum bilen Gurt gaçak maldan ýüklerini tutup gaýtdylar* (A. Gowşudow). *Gaçak haryt*.

**GAÇAKÇY**, *at.* **1**. Gaçakçylyk edip ýören adam. *Hanym, biz galtamandyr ýa gaçakçydyr diýen oý seniň göwnüňe gelmesin* (B. Kerbabaýew). **2**. Gaçak harytlary serhetden gizlin geçirmek bilen meşgullanýan adam.

**GAÇAKÇYLYK**, *at.* **1**. Döwlet serhedinden geçirmesi gadagan edilen gizlin harytlary geçirmekligi alyp barýan gaçakçynyň işi.*Ýusup öz içinden:“Bu adam arada gaçakçylyk edýän söwdagär bolsa gerek” diýen netijä geldi* (B. Soltannyýazow). **2**. Bir sebäbe görä ýurduňy terk etmeklik, çet ýurda gaçyp gitmeklik.

**GAÇAKLYK**, *at.* Gaçaga has bolan gylyk-häsiýet, gaçaganlyk.

**GAÇALAK**, *at, ser.* **Gaçyrym**.

◊ **Gaçalak etmek** boýun gaçyrmak, gaçalaklamak, bir işi etmejek bolmak, sapalak atmak, sypjyklamak, gaça durmak. *Ol işiň kyn ýerinde gaçalak etmeýärdi.* **Gaçalak üçin** (*gepl. d.*) ätiýaçdan, gorkudan, bilip bolmaz, soň gerek bolaýmasyn diýip, öňünden gaçmak üçin.*Gaçalak üçin ýygnap goýan puljagazy bardy.*

**GAÇALAKLAMA**, *iş ady.* Gaçalaklamak ýagdaýy.

**GAÇALAKLAMAK**, *işl.* Boýun gaçyrmak, boýun towlamak, sapalak atmak.

**GAÇALAKLAMAKLYK**, *iş ady.* Gaçalaklamak ýagdaýy.

**GAÇALAKLAMAZLYK**, *işl.* Gaçalaklamak hereketini etmezlik, gaçalaklap durmazlyk.

**GAÇALAKLAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup boýun gaçyrmak, boýun towlamak, etmejek bolmak, sapalak atmak. *Jemgyýetçilik işinde gaçalaklaşmak gelşiksiz bolar.*

**GAÇALAKLATMAK**, *işl.* Boýun gaçyrtmak, boýun towlatmak. *Ol hemmelere etmeli işini aýdyşdyryp çykdy, hiçisini-de gaçalaklatmady.*

**GAÇALAKLAÝYŞ**, *iş ady.* Gaçalaklamak ýagdaýy.

**GAÇALAK-SAPALAK**: **gaçalak-sapalak etmek** gaça durmak, boýun gaçyrmak, gaça durup, sap atmak. *Sen kän gaçalak-sapalak eden bolma.*

**GAÇALGA** [gaçalğa], *at.* Bir ýagdaýdan sypar ýaly sebäp, bahana, sypalga. *Ol özüne başga gaçalga gözlemeli boldy*.

**GAÇARAK** [gaçara:k], *syp.* Birneme gaça durýan, çekeräk, içgin däl. *Ol birneme gaçarak durýar.*

**GAÇARA-KOWARA** [gaçara-koworo], *hal.*Bir işi ýerine ýetirer, amala aşyrar, eder, ýetişer ýaly wagt;entek, heniz (wagt hakynda). *Häzir gaçara-kowara maý bar.*

**GAÇGAK** [gaçğak], *at.* Belli bir sebäbe görä öz ýurdundan, ýaşaýan ýerinden gaçyp ýören, gizlin gezip ýören, gaçyp gün görýän adam.

**GAÇGAKLAMA** [gaçğaklama], *iş ady.* Gaçgaklamak ýagdaýy.

**GAÇGAKLAMAK** [gaçğaklamak], *işl.* Gaçgak bolmak, gaçgak bolup gezip ýörmek, gaçyp-tezip ýörmek.

**GAÇGAKLAMAKLYK** [gaçğaklamaklyk], *iş ady.* Gaçgaklamak ýagdaýy.

**GAÇGAKLAMAZLYK** [gaçğaklamazlyk], *iş ady.* Gaçgak bolup ýörmezlik, gaçyp-tezip ýörmezlik.

**GAÇGAKLAŞMAK** [gaçğaklaşmak], *işl.* Birnäçe adamyň gaçgaklap, gaçyp-tezip ýörmegi, gaçgak bolmagy. – *Utanaňzokmy, beýdip gaçgaklaşyp ýörmek bolarmy?*

**GAÇGAKLATMAK** [gaçğaklatmak], *işl.* Gaçyp ýördürmek, gaçgak boldurmak.

**GAÇGAKLAÝYŞ** [gaçğaklaýyş], *iş ady.* Gaçgaklamak ýagdaýy, hereketi.

**GAÇGAKLYK** [gaçğaklyk], *at.* Gaçgak bolup gezmeklik, gaçgagyň ýagdaýy.

**GAÇGALAKLAMAK** [gaçğalaklamak], *işl., gepl. d., ser.* **Gaçgaklamak**. *Ol çakylyga barman, Tejen aýaklarynda gaçgalaklap gezýärdi* (B. Kerbabaýew).

**GAÇGYN** [gaçğyn], *syp., at.* **1**. *ser.* **Gaçgak**. *Gaçgynlar hiçýerden tapylmady* (B. Kerbabaýew). **2**. Gaça durulýan, ýigrenilýän zat. *Onuň gaçgyny galmagaldy.* **3**. *göç.m.* Bir zadyň derejesi adatdakydan pes (suw, reňk we ş.m. hakynda). *Öten ýyl derýanyň suwy birneme gaçgyn boldy.*

**GAÇGYNLYK** [gaçğynlyk], *at, ser.* **Gaçgaklyk**. *Myrat bilen Orazyň gaçgynlygy iki maşgalanyň-da ýüzüni ýere salypdy* (B. Seýtäkow).

**GAÇHA-GAÇ** [gaçha:-ğaç], at, ser. **Gaça-gaç**. Ol gaçha-gaç, kowha-kowda özüni ýitirmedi (B. Kerbabaýew).

**GAÇHA-GAÇLYK** [gaçha:-ğaşlyk], *at, ser.* **Gaça-gaçlyk**. *Soňra bolsa, gaçha-gaçlykda olar başlaryny gutaryp bilse, kaýyl gelen bolara çemeli* ("Edebiýat we sungat").

**GAÇMA**, *iş ady.* Gaçmak ýagdaýy.

**GAÇMADYKSYRAMAK**, *işl.*Gaçasy gelýän-de bolsa, gaçmadyk bolmak. *It ýarar öýdeňokmy, beýdip gaçmadyksyran bolup dursuň, gaçanyň üçin saňa gorkak diýen bolmaz*.

**GAÇMAK**, *işl.* **1**. Ýere tarap aşak düşmek, gaýtmak. *Jaýyň ýele ýüzüniň suwaglary gaçyp, kerpiçleri görnüp durdy.* **2**. Bir zatdan, adamdan gutulmak, başyňy gutarmak üçin ylgap gitmek. *Gaçan gutular, duran tutular* (Nakyl). **3**. Bir sebäbe görä, ýurdundan, ýerinden, işden ygtyýarsyz çykyp gitmek, zym-zyýat bolmak. **4**. Böwedi ýykyp akmak. *Suw ýene böwedi ýykyp gaçypdyr*. **5**. *sazç*. Iki ýa-da ikiden köp sazanda bilelikde saz çalanda, sag tarapda oturýan ussat sazanda tarapyndan saz özbaşdak alnyp gidilmek. *Ussat sazanda "Bolmuşamy" gaçýardy.*

◊ **Gaçyp gutulmak** halas bolmak, başyňy gutarmak. **Aşak gaçmak** pese düşmek, gymmaty aşak düşmek, arzanlamak. *Nyrhlar aşak gaçypdyr.*

**GAÇMAKLYK**, *iş ady.* Gaçmak ýagdaýy.

**GAÇMAZLYK**, *iş ady.* Gaçman durmaklyk, gaçyp gitmezlik.

**GAÇY**, *at.* Suw agmaz ýaly derýanyň, kanalyň kenaryna, suw howdanynyň ýakasyna, uly ýaplaryň iki ýan boýuna gum üýşürilip edilýän emeli gorag, berkitme. *Häzir biz gatlalary oňarmak, kä ýerlerde gaçylaryň ejizlän ýerlerine gum dökmek işi bilen meşgullanýarys* (K. Berdiýew).

**GAÇYBATALGA** [gaçyvatalğa], *at.* Bir howpdan, tebigy belalardan we ş.m. gaçyp atar ýaly ýer, goranmak üçin pena, gaçalga.

**GAÇYBATALGALYK** [gaçyvatalğalyk], *syp.* Gaçybatalga bolar ýaly ýer, penalar ýaly düşleg, mesgen.

**GAÇYRMA**, *iş ady.* Gaçyrmak ýagdaýy.

**GAÇYRMAK**, *işl.* **1**. Bir ýaňa gidermek, birinden ýa-da bir zatdan sypdyrmak. *Sawçylar gelmänkä, ejesi gyzyny goňşularyna gaçyrdy.* **2**. Tötänlikde, birden bir zady eliňden sypdyrmak, onuň ýere düşmegine sebap bolmak. *Eliňdäki käsäni gaçyrmak*. **3**. Böwedi ýykdyrmak, agdyrmak (suw hakynda). *Ol mellegine suw tutup ýörkä suwy gaçyrypdyr*. **4**. Ýerine ýetirmek, çalmak, aýdym aýtmak. *Ol üç-dört heň gaçyrdy*.

◊ **Gaçyryp kowmak** (*gepl. d.*) ugruna goýberip gürletmek, gürledip many ogurlajak bolmak, pikirini biljek bolmak. *Ol gürrüňdeşini gaçyryp kowdy.*

**GAÇYRMAKLYK**, *iş ady.* Gaçyrmak ýagdaýy, işi.

**GAÇYRTMAK**, *işl.* **1**. Bir sebäbe görä birini başga bir adamyň üsti bilen gaçyrmak, bir zatdan sypdyrmak. *Işden gaçyrtmak*. **2**. Eliňden ýa-da ýokardan ýere gaçmagyna ýol bermek. *Çäýnekleri jigiňe gaçyrdaýma!*

**GAÇYRYM**, *at.* Bir zatdan edilýän gaçalak-sapalak; hilegärlik, mekirlik. *Ol gaçyrym etmegi, gysganmagy bilmezdi* ("Edebiýat we sungat").

**GAÇYRYMSYZ**, *syp.* Gaçalak-sapalaksyz, hilesiz, gaçyrymy ýok. *Gaçyrymsyz goja gürrüňini gönülänini kem görmedi* (Ş. Taganow).

**GAÇYRYŞ**, *iş ady.* Gaçyrmak ýagdaýy.

**GAÇYŞ**, *iş ady.* Gaçmak ýagdaýy. *Gaçyşym bar, kowuşyma bermerin ("Görogly").*

**GAÇYŞLYK**, *at.* Bosgy, gaçha-gaç, başly-barat gaçmaklyk, köp bolup gaçmaklyk. *Guma gaçyşlyk wagtynda tas heläk bolupdylar*.

**GAÇYŞMAK**, *işl.* **1**. Bilelikde gaçmak, köp bolup gaçyp başlamak. *Nirä gaçyşyp barýarsyňyz?* **2**. Gopup, dökülip başlamak. *Diwaryň suwagy gaçyşypdyr.*

**GADAGAN** [gadağan], *syp. hal.* Ygtyýar edilmeýän, ýol berilmeýän, rugsat edilmeýän. *Gadagan zatlar. Gadagan etmek.*

**GADAGANLYK** [gadağanlyk], *at.* Ygtyýar edilmezlik, ýol berilmezlik.

**GADAK**, *at.* 409,5 grama deň agyrlyk ölçegi, kirbeňke. *Bir gadak çaý*.

**GADAKLAMA**, *iş ady.* Gadaklamak ýagdaýy.

**GADAKLAMAK**, *işl.* Gadak bilen ölçemek, gadak-gadak edip çekmek. *Gadaklap çaý almak. Gadaklap däne ölçemek*.

**GADAKLAMAKLYK**, *iş ady.* Gadaklamak ýagdaýy.

**GADAKLANMAK**, *işl.* Gadak bilen ölçelmek.

**GADAKLAÝYŞ**, *iş ady.* Gadaklamak ýagdaýy.

**GADAKLYK**, *syp.* Bir gadaga barabar bolan, kirbeňkelik. *Akmyrat at torbanyň içine bir gadaklyk daşy salyp, gitmäge taýynlandy* (N. Pomma).

**GADALGA** [gadalğa], *at.* **1**. Balyk tutmak üçin ulanylýan çarşak görnüşli esbap, sançgy. **2**. Şol esbaba meňzedip el işlerine salynýan nagyş.

**GADAM**, *at.* **1**. Ätlenendäki bir ädim aralyk, ädim. *Näz bilen gadam goýuşyň, Ýandyrdyň zalym, ýandyrdyň* (Talyby). **2**. Oglana dakylýan at.

◊ **Gadam basmak (urmak)** öňe hereket etmek, ileri gitmek. *XXI asyra – türkmeniň Altyn asyryna ruhubelent gadam basalyň* ("Edebiýat we sungat"). *Durmuş bilen deň gadam urmak.*

**GADAMLAMAK**, *işl.,gepl.d.* Ädimläp ölçemek, ädimlemek. *Jaýyň içini gadamlap çykdy.*

**GADAMLAMAKLYK**, *at.* Gadamlamak ýagdaýy.

**GADAMLAMAZLYK**, *iş ady.* Ädimläp ölçemezlik, ädimlemezlik.

**GADAR**, *çal., kön.s.* Näçe, näçe gezek, munça. *Ne gadar ýalganlar sözlediň* ("Saýatly – Hemra"). *Şirin niçik jepa kyldy Perhada, Ol gadar jebr etme, sen uýal indi* (Talyby).

**GADYM** [gady:m], *at.* Has öňki wagt, köne döwür, geçmiş. *"Egri azar, dogry ozar" diýýändir, Türkmeniň gadymdan gelýän nakyly* (A. Kekilow). *Bu jaý gadymdan galan ýadygärlikdi.*

◊ **Gadym dünýä taryhy** adamzat jemgyýetiniň orta asyrlardan öňki ýagdaýyny beýan edýän taryh.

**GADYMKY** [gady:mky], *syp.* Has öňki, köneki, ozalky; gadym wagtdaky. *Nyýazguly gadymky ýylgy-ryşyny edip, ýüzüme seretdi* ("Edebiýat we sungat").

**GADYMY** [gady:my], *syp., ser.* **Gadymky**. *Gadymy gala*.

**GADYMYLYK** [gady:mylyk], *at.* Has öňki, köne döwre degişlilik, könelik. *Türkmen halk döredijiliginiň aýdym görnüşi hem gadymylygy bilen tapawutlanýar.*

**GADYMYÝET** [gady:myýet], *at.* Gadym zaman, geçmiş zaman, gadym döwür.

**GADYMYÝETÇI** [gady:myýetçi], *at.* Gadymyýet bilen iş çalyşýan, gadymyýeti öwrenýän.

**GADYR**, *at.* **1**. Birek-birege goýulýan sylag, hormat,hatyra, sarpa. **2**. Bir zadyň ähmiýetiniň derejesi, gymmaty, bahasy. **3**. Oglana dakylýan at.

◊ **Gadyr agajy** adam jaýlananda onuň gonamynyň baş ujuna dikilýän agaç. **Gadyr agajyny dikmek** sylag-hormat etmek. **Gadyr bilmez** edilen hormat-sylagy bilmeýän. *Ol bir gadyr bilmez adam eken.* **Gadyr gijesi** oraza aýynyň 27-sine geçilýän gije. **Gadyryň öýi** gadyr, hormat edegen, gadyrly, gadyrdan. *Ol gadyryň öýüdir, barsaň, öýüniň niresinde oturtjagyny bilmez.* **Gadyryňy artdyrmak** geregiňi artdyrmak, hondanbärsi bolmak, arzyňy artdyrmak, näziňi çekdirmek. *Ýeri, gadyryňy artdyryp oturma.* **Gadyryňy gaçyrmak** öz hereketiň bilen sylagyňy gaçyrmak, hormatdan düşmek, arzyňy gaçyrmak. *Bir ýere kän baryp, gadyryňy gaçyrma.*

**GADYRDAN** [gadyrda:n] **I**, *syp.* **1**. *ser.* **Gadyrly 1**, **2**. *Gadyrdan dostuňdan ýüzüň öwürme, Barsaň depesine täç eder seni* (Magtymguly). **2**. Ýakyn adam, dost, ýoldaş. **3**. Oglana dakylýan at.

**GADYRDAN** [gadyrda:n] **II**, *at, ösüml.d.* Däneliler maşgalasyna degişli, boýy 20-50 *sm* ýetýän, inçe baldaklary bogun-bogun, uzynja insiz ýaprakly, gotazjymak kökli birýyllyk ot, bürmek.

**GADYRDANLYK** [gadyrda:nlyk], *at,* **1**. *ser.* **Gadyrlylyk 1**, **2**. *Onuň gadyrdanlygyny öýüne barsaň bilersiň*. **2**. Ýakynlyk, dostluk, ýoldaşlyk. *Olaryň biri-birine gadyrdanlygy daşyndan görnüp dur.*

**GADYR-GYMMAT** [gadyr-ğymmat], *at, ser.* **Gadyr 1**. *Onuň ýanynda gadyr-gymmatymyz bolmady.*

**GADYRLANMA**, *iş ady.* Gadyrlanmak ýagdaýy.

**GADYRLANMAK**, *işl.* Öňki bolşundan has gadyrly bolmak, başgalara hormat bilen garamak. *Ol soňky döwürde birneme gadyrlanypdyr.*

**GADYRLANMAKLYK**, *iş ady.* Gadyrlanmak derejesi.

**GADYRLANYŞ**, *iş ady.* Gadyrlanmak ýagdaýy.

**GADYRLY**, *syp.* **1**. Gadyr bildirýän, sarpa goýýan, hormatlagan, sylagan, biriniň gadyryny bilýän. *Gaty gadyrly adam, nirede oturtjagyny bilenok.* **2**. Köpçülik tarapyndan gadyry bilinýän, sarpasy tutulýan, gymmatly, hatyraly. *Gadyrly dostlar, işiňiz şowly bolsun!* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Hormat bilen, sylag bilen, hatyraly. *Ýitirip tapan ýaly, Gadyrly tutdy meni* (A. Kekilow). *Olar gadyrly salamlaşdy*.

**GADYRLYLYK**, *at.* **1**. Gadyry barlyk, sarpa goýujylyk, hormatlaganlyk, sylaganlyk. *Myhmana gadyrlylygy onuň oňat häsiýetleriniň biridi.* **2**. Gadyry bilinmeklik, sarpasy tutulmaklyk, hormatlylyk, hatyralylyk. *Köpçülikde gadyrlylygy onuň oňat adamdygyny görkezýär.*

**GADYRSYZ**, *syp.* Gadyry ýok, gadyrly däl, hormatlamaýan, sylamaýan. *Gadyrsyz adam.*

**GADYRSYZLANMAK**, *işl.* Gadyrsyz bolmak, gadyryň gaçmak. *Ol gadyrsyzlanypdyr.*

**GADYRSYZLYK**, *at.* Gadyrly dällik, gadyry ýokluk. *Onuň gadyrsyzlygy ýüzünden görnüp dur.*

**GAFLAT**, *at, kön. s.* **1**. Gapyllyk, habarsyzlyk. *Gark olup gaflatda ýatma, näzli dildarym, oýan!* (Mollanepes). **2**. Garaňkylyk. *Älemiň ýüzünden gaflat perdesi syrylmandy* (G. Kulyýew).

**GAGAL** [gağal], *syp.* Sähel zada käýinip gyzmalyk edýän, gaharjaň, gyzma. *Dogrusy, Çarwa aga, çagalara gezek gelende, bir hili gagal hem garasöýmez ýalydy* (B. Gurbanow).

**GAGALLYK** [gağallyk], *at.* Gagal gylykly bolmaklyk, sähel zada käýinjeňlik, gaharjaňlyk, gyzmalyk. *Onuň gagallygy zerarly her kim ýanyna barmaga çekinýärdi.*

**GAGALRAK** [gağalyra:k], *syp.* Azda-kände gagal.

**GAGANAK** [gağanak], *at.* Owuz süýdünden gaýnadylyp taýýarlanan peýnire meňzeş önüm, owuz. *Ol gaganagy çörek bilen iýdi.*

**GAGAUZ** [gağawuz], *at, ser.* **Gagauzlar**. *Gagauz halky. Gagauz dili.*

**GAGAUZLAR** [gağawuzlor], *at.* Ukrainada we Moldowada, şeýle hem Bolgariýada we Rumyniýada ýaşaýan türki dilli halk.

**GAGŞAMA** [gağşama], *iş ady.* Gagşamak ýagdaýy.

**GAGŞAMAK** [gağşamak], *işl.* Gyzdyrmak, üşemek; gorkmak, gaharlanmak we ş.m. zerarly süňňüni tutup bilmän gagşamak, sandyramak, titremek, saňňyldamak, galpyldamak, galdyramak. *Ol gyzdyrma tutýan ýaly gagşady* (A. Nazarow).

**GAGŞAMAKLYK** [gağşamaklyk], *iş ady.* Gagşamak ýagdaýy, derejesi.

**GAGŞAMAZLYK** [gağşamazlyk], *iş ady.* Süňňüni tutup bilmän, gagşap durmazlyk, galpyldamazlyk, üşütmezlik.

**GAGŞAŞMAK** [gağşaşmak], *işl.* Birnäçe bolup üşemek, gorkmak we ş.m. zerarly gagşamak. *Adamlar sowukdan ýaňa gagşaşyp başladylar.*

**GAGŞATMAK** [gağşatmak], *işl.* Üşemek, gorkmak, gaharlanmak we ş.m. zerarly sandyratmak, titretmek, saňňyldatmak, galpyldatmak. *Jumanyň habary onuň bada-bat süňňüni gagşatdy* (G. Kulyýew).

**GAGŞAÝYŞ** [gağşaýyş], *iş ady.* Gagşamak ýagdaýy.

**GAGYLDABERMEK** [ga:ğylla:vermek], *işl.* Gagyldap başlamak, yzygiderli gagyldamak.

**GAGYLDAMA** [ga:ğyllama], *iş ady.* Gagyldamak ýagdaýy.

**GAGYLDAMAK** [ga:ğyllamak], *işl.* **1**. Gagyldyly ses çykarmak, gagyldyly seslenmek, gak-gak etmek (garga, gaz we ş.m. hakynda). *Garga gagyldap gaz bolmaz, kempir bezenip – gyz* (Nakyl). *Ol, çarbaga baryp, çarbagyň içini gezip çykansoň, ahyrda ullakan bir çynaryň başynda gagyldap oturan ala gargany tapýar* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. *göç.m.* Bir zady köp aýtmak, ýatlamak, köp diýmek, käkelemek. *Ertirden bäri gagyldap bizar etdiň.*

**GAGYLDAMAKLYK** [ga:ğyllamaklyk], *iş ady.* Gagyldamak ýagdaýy.

**GAGYLDAMAZLYK** [ga:ğyllamazlyk], *iş ady.* Gagyldaman durmak, gak-gak etmezlik.

**GAGYLDAŞMAK** [ga:ğyllaşmak], *işl.* **1**. Köp bolup gagyldamak, bilelikde gak-gak etmek. *Gyş düşende, keýpi gelýän gargalaň, Görseňizläň, gagyldaşyp gaýyşyn* (M. Seýidow). **2**. *göç.m.* Ýerli-ýerden bileleşip köp aýdyp durmak, köp diýip durmak. *Enesi hem atasy ikisi iki ýerden gagyldaşyp otyr.*

**GAGYLDATMAK** [ga:ğyllatmak], *işl.* **1**. Gagyldyly ses çykartmak, gak-gak etdirmek. *Garganyň aýagyndan tutup gagyldadyp durmasana*. **2**. *göç.m.* Köp aýtdyrmak, köp diýdirmek. *Oglum, eneňi gagyldadyp oturma-da, diýenini edäýsene!*

**GAGYLDAÝYŞ** [ga:ğyllaýyş], *iş ady.* Gagyldamak ýagdaýy.

**GAGYLDY** [ga:ğylly], *at.* **1**. Garga ýaly guşlaryň, gak-gak edip çykarýan sesiniň ady. *Garganyň gagyldysy has daşa ýaýraýar.* **2**. *göç.m.* Bir zady köp aýtma, köp diýme, käkeleme. *Enäniň gagyldysy biderek däldi.*

**GAGYRMA** [ga:ğyrma], *iş ady.* Gagyrmak ýagdaýy.

**GAGYRMAK** [ga:ğyrmak], *işl.,* **1**. *ser.* **Gagyldamak**. *Garga gagyrany bilen bilbil bolmaz* (Nakyl). **2**. Bogazyňy sesli arçamak. *Gagyryp tüýkürmek.*

**GAGYRMAKLYK** [ga:ğyrmaklyk], *iş ady.* Gagyrmak ýagdaýy.

**GAGYRMAZLYK** [ga:ğyrmazlyk], *iş ady.* Gagyrmak hereketi edilmezlik, gagyryp durmazlyk.

**GAGYRYNMAK** [ga:ğyrynmak], *işl.* Öz bokurdagyňy arçamak. *Ol gagyryndy*.

**GAGYRYŞMAK** [ga:ğyryşmak], *işl.* Birnäçe bolup gagyrmak.

**GAHAR**, *at.* Gaty närazylyk, göwne degilmeklik we ş.m. netijesinde döreýän gazaply duýgy. *Ýersiz gaharyň gowulygyň üstünden eltmeýänini saňa men öwretmelimi näme?* (B. Kerbabaýew).

**GAHAR-GAZAP** [gahar-ğazap], *at.* Örän güýçli gahar, joşup gelen gazaply duýgy.

**GAHARJAŇ**, *syp.* Sähelçe zada gahary gelýän, gahary gelegen.

**GAHARJAŇLYK**, *at.* Gaharjaň häsiýetli bolmaklyk. *Onuň gaharjaňlygyndan nam-nyşan galmady.*

**GAHARJAŇRAK** [gaharjaňyra:k], *syp.* Azda-kände gaharjaň.

**GAHARLANDYRMAK** [gaharlannyrmak], *işl.* Biriniň gaharyny getirmek, gaharynyň gelmegine sebäp bolmak. – *Näme boldy, kim seni gaharlandyrýar?*

**GAHARLANMA**, *iş ady.* Gaharlanmak ýagdaýy.

**GAHARLANMAK**, *işl.* Gahary gelmek, gaharly bolmak, gaharlylyk hetdine ýetmek. – *Näme, adamyny oýnajak bolýarmyň? – diýip gaharlandy* (H. Derýaýew).

**GAHARLANMAKLYK**, *iş ady.* Gaharlanmak ýagdaýy, derejesi.

**GAHARLANMAZLYK**, *iş ady.* Gaharlanyp durmazlyk, gaharyň gelmezlik.

**GAHARLANYŞ**, *iş ady.* Gaharlanmak ýagdaýy.

**GAHARLANYŞMAK**, *işl.* Biri-biriňe gaharly söz aýdyşmak, biri-biriňe gahar etmek. *Bäş minutdan soň, gaharlanyşan adamyndan ötünç soramaga ol taýýardy.*

**GAHARLY**, *syp.* Gahar bilen; gahary gelen.

**GAHARLYLYK**, *at.* Gaharly halda bolmaklyk, gahary barlyk.

**GAHAT**, *at, ser.* **Gyt**.

**GAHATÇYLYK**, *at, ser.* **Gahatlyk**.

**GAHATLYK**, *at.* Bir zat gyt bolmaklyk, seýrek duş gelmek, gytçylyk, gytlyk, çöllük, gahatçylyk.

**GAHBA** [gahva], *at, kön.s.* Loly, biwepa.

◊ **Gahba pelek** biwepa dünýä. *Gahba pelek awy salar, Kimden alar, kime berer* (Magtymguly).

**GAHRYMAN** [gahryma:n], *at.* **1**. Mertlik görkezen, özüniň başarjaňlygy, edermenligi, dogumlylygy bilen beýlekilerden saýlanan adam. **2**. *edeb.* Edebi-halk döredijilik eserlerinde esasy hereket ediji, esasy gatnaşyjy adam. **3**. Belli bir döwre häsiýetli aýratynlyklary özünde jemleýän şahs. **4**.Oglana dakylýan at.

**GAHRYMANÇYLYK** [gahryma:nçylyk], *at, ser.* **Gahrymanlyk**.

**GAHRYMANÇYLYKLY** [gahryma:nçylykly], *syp.* Gahrymançylyga has bolan, gahrymanlyga, batyrlyga, edermenlige mahsus.

**GAHRYMANLARÇA** [gahryma:nlarça], *hal.* Gahrymana mahsus bolan edermenlik bilen, gahrymanlar ýaly. *Gahrymanlarça heläk bolan ogullarymyz asyl ýadymyzdan çykmaz* (B. Pürliýew).

**GAHRYMANLYK** [gahryma:nlyk], *at.* **1**. Gahrymançylykly iş, hereket, gahrymançylyk, edermenlik, batyrlyk. **2**. Gahryman adyna eýe bolmaklyk, gahryman bolmaklyk.

**GAJAR**, *at.* **1**. Ýyrtyjy guşlar toparyndan, gyrgylar maşgalasyndan bolan we maslyk bilen iýmitlenýän uly guş. *Uçarda gajara, pile, gulana, Ýedi ýüz ýaşaman ölmek ýaraşmaz* (Magtymguly). **2**. Gadymy türkmen taýpalarynyň biriniň ady. **3**. Oglana dakylýan at.

**GAJY**, *at.* Ýeditop oýnalanda, döwçüleriň pellehana ylgap gidip-gelendäki top urmaklyga bolan hukugy, gezegi.

**GAJYMAL**, *syp.* Bulagaýlyk tapagan, garagol, bimaza, köpbilmiş. *Gajymal adam.*

**GAJYMALLYK**, *at.* Garagollyk, bulagaýlyk, bimazalyk, köpbilmişlik.

**GAK** [ga:k], *s. ş. aňl. söz.* Garga bir gezek gagyldanda çykýan ses. *Günde gara gargaýar Gargalar:"Gak!" "Gak!"/ A gar bolsa elmydam Ak! Ak! Ak!* (G. Ezizow).

**GAK-GAK** [ga:k-ga:k], *s. ş. aňl. söz.* Garga yzly-yzyna gagyldanda çykýan sesler. – *Gak-gak! – Gargajyk! Hany maňa çörejik?* (Sanawaç).

**GAKYLYK** [ga:kylyk], *at.* Öýkenden we dem alyş ýolundan bölünip aýrylýan süýgeşik, goýy hapa tüýkülik. *Gakylyk gopmak.*

**GALA**, *syp.* Hörpi ýokary, çeniň däl, artyk, ýokary. *Arkaly gala geplär, arkasyz çala geplär* (Nakyl).

**GALA** [gala:], *at.* **1**. Öňki wagtlarda duşmandan goranmak üçin palçykdan, daşdan salynýan beýik diwarly howly, ýörite edilen beýik haýatly berkitme. *Köne galaň bir ganaty somalyp durdy*. **2**. *kön.s.* Şäher, oba. *Gala-gala, şäher-şäher sökem Ýusup diýe-diýe* (Magtymguly).

◊ **Gala alan ýaly** uly, ähmiýetli bir iş bitiren ýaly, göwnühoş, hondanbärsi. *Her bir garşylykdan üstün çykaňda, gala alan ýaly begenýärsiň.*

**GALABA** [galava], *hal.* **1**. Köplenç, galapyn, aglaba. *Galaba pasyllary çölde geçiren Rahman aganyň aýdany dogry çykdy* (B. Seýtäkow). **2**. *at*. Köpüsi. *Şu häsiýet oba adamlarynyň galabasynda bar.*

**GALAGOP** [galağop], *syp.* Bir zatdan biynjalyk, birahat,howsalaly, aladaçyl. *Gylyk-häsiýetine görä, ol galagop ýigitdi.*

**GALAGOPLANDYRMAK** [galağoplonnurmok], *işl.* Bir zatdan biynjalyk etmek, rahadyny gaçyrmak, aladalandyrmak, howsalalandyrmak. *Howanyň bulutlaşmagy deňizçileri galagoplandyrdy.*

**GALAGOPLANMAK** [galağoplonmok], *işl.* Bir zatdan biynjalyk bolmak, rahadyň gaçmak, howsalalanmak, aljyraňňy ýagdaýda bolmak. *Men galagoplanyp, ýoldaşyma seretdim.*

**GALAGOPLY** [galağoply], *syp., ser.* **Galagop**. *Märekäniň içinde galagoply hereket başlandy* (T. Taganow).

**GALAGOPLYK** [galağopluk], *at.* Bir zatdan biynjalyklyk, aljyraňňylyk, howsalalylyk. *Galagoplyk bilen otlynyň nähili gozgananynam, neneňsi bat alanynam duýmandyrys* (A. Nazarow).

**GALAGOPRAK** [galağopura:k], *syp.* Azda-kände galagoply, ynjalyksyzrak, aladalyrak. *Men şu gün bir hili galagoprak.*

**GALAK** [ga:lak] **I**, *syp.* **1**. Ýaryşda we ş.m. yzda galýan, ýetişmeýän, süýrenjeň, asgynjak. **2**. Ösüşiň pes derejesinde duran, durmuşdan yza galýan. *Siz öz geologyňyzyň tarapyny çalyp, meni galak bir adam hasap etmäň* (B. Kerbabaýew).

**GALAK** [ga:lak] **II**, *at, gepl. d.* Öň ýaşap geçen atly şahsyýetiň neslini dowam etdirýän ogul-gyz, zürýat. *Pylan işanyň galagy*.

**GALAK**, *at, balykç.* Küregiň ýasy ýeri.

**GALAK-GAÇAK** [ga:lak-ğaçak], *at.* Bir zatdan galýan galyndy, az-owlak süýşürintgi, galan-gaçan. *Garga hem: "Men ekilende-de, orlanynda-da we döwleninde--de ýanyndan aýrylmadym, onuň üçin-de, galak-gaçagy meniňki bolmaly" diýýär* ("Türkmen halk ertekileri").

**GALAKLYK** [ga:laklyk], *at.* Yza galak bolmak ýagdaýy. *Biz hojalygy yza galaklykdan iň öňdäki hojalyklaryň hataryna goşan ukyply ýolbaşçy bilen duşuşmaga howlugýardyk* (B. Pürliýew).

**GALAM I,** *at.* Hat ýazmak, surat çekmek, çyzgy çyzmak üçin içi grafitden ýa-da gaty reňkden doldurylan taýajyk. *Maňlaýy sakar al at, galam bilen çekilen surat ýaly, şeýle owadandy* (B. Kerbabaýew).

**GALAM II**, *at.* Orak dişemek, demir zatlara haşam çekmek üçin polatdan ýasalan enjam.

**GALAM III**, *at.* Bir zat ýasalanda onuň böleginiň galyňlygyny, diametrini barlamak üçin ujy haçjaly agaç gural.

**GALAM IV**, *at.* Suwly ýerde topbak bolup bitýän, soňra tozgalap duran baş emele getirýän ösümlik.

**GALAMASY** [ga:lamasy], *at, gepl.d.* Soňy, galany, beýlekisi. *Galamasyny özüm oňaryn* (G. Gurbansähedow).

**GALAMDAN** [galamda:n], *at.* Galam, ruçka salynýan gutujyk. *Kätip galamdana elini uzatdy* (A. Nazarow).

**GALAMDAŞ**, *at.* Ýazuw-pozuw, žurnalistlik, ýazyjylyk we ş.m. bilen meşgul bolýan iki we ikiden artyk adamlaryň birek-birege bolan kärdeşlik gatnaşygyny aňladýan söz. *Ol biziň galamdaşymyz.*

**GALAMGAŞ** [galamğa:ş], *at.* Inçe, gyýma owadan gaş. *Oglumyň aljak gyzy, Gara göz, galamgaşdyr* (Läle). *Bir peri sallanyp seýle çykypdyr, Gamza bilen galamgaşyn kakypdyr* (Magtymguly).

**GALAMLYK**, *at.* Çüňküniň ujy ýasy suw guşy, ördegiň bir görnüşi.

**GALAN** [ga:lan], *çal.* Başga, beýleki, öňňe (şahs goşulmasyny kabul edip ulanylýar). *Mugallym okuwçylara: "Berdiden galanyňyz gidiberiň" diýdi.*

**GALANDAR** [galanna:r], *at, kön.s.***1**. Gezip ýören gezende, derwüş. **2**. Oglana dakylýan at.

**GALAN-GAÇAN** [ga:lan-ğaçan], *syp., ser.* **Galak-gaçak**. *Galan-gaçan bolsa öňüne biýrler, Yssyg-ýyly bolmaz, "şuny iý" diýrler* (Magtymguly).

**GALAPYN** [galapy:n], "Köplenç halatda, köplenç, galaba" diýen manydaky kömekçi söz.

**GALARAK** [galara:k], *syp.* Azda-kände gala, artygrak. *Olar biziň çakymyzdan galarak.*

**GALAT**, *syp.* Dogry däl, hakykat däl, ýalan, nädogry, ýalňyş. *Aý, Görogly, gaty galat etdim* ("Görogly").

**GALATLYK**, *at.* Dogry dällik, hakyky dällik, ýalanlyk, nädogrulyk, ýalňyşlyk.

**GALAWUT** [galowut], *at, gepl. d.* Gaýgy, gaýgy-alada, alada. *Bularyň bir galawutlary-ha bar* (B. Seýtäkow). *Galawut etmezlik.*

**GALAWUTLY** [galowutly], *syp.,gepl.d.* Gaýgyly. *– Hemmäň sagmysyňyz – diýip, birhili galawutly ses bilen gygyrdy* (B. Seýtäkow).

**GALAÝY** [gala:ýy], *at.* **1**. Kümüş reňk ýumşak metal, himiki element. **2**. Galaýydan ýasalan, galaýydan edilen. *Täze önümçiligiň ýola goýulmagy "Balkanbalykda" galaýy gutularda önüm öndürilişini kadaly ýola goýmaga ýardam edýär* ("Türkmenistan").

**GALAÝYÇY** [gala:ýyçy], *at.* Sepi açylan ýa-da deşilen bedredir çäýnek, semawardyr tüňçe ýaly metal gap-gaçlary tutdurýan, bejerýän, her hili ownuk önümler ýasaýan ussa.

**GALAÝYLAMA** [gala:ýylama], *iş ady.* Galaýylamak täri, usuly.

**GALAÝYLAMAK** [gala:ýylamak], *işl.* Metal önümini ýa-da onuň böleklerini galaýy arkaly tutdurmak, galaýy arkaly berkitmek, bejermek (galaýylamak üçin kislota ýa-da zäk ulanylýar). *Tüňçäni galaýylamak.*

**GALAÝYLAMAKLYK** [gala:ýylamaklyk], *iş ady.* Galaýylamak täri.

**GALAÝYLAMAZLYK** [gala:ýylamazlyk], *iş ady.* Galaýylamak işi edilmezlik, ýerine ýetirilmezlik.

**GALAÝYLANMAK** [gala:ýylanmak], *işl.* Metaldan ýasalan zatlary we onuň böleklerini galaýy bilen tutdurmak, berkitmek, döwlen ýerlerini bitirmek, bejermek.

**GALAÝYLAŞMAK** [gala:ýylaşmak], *işl.* **1**. Galaýylamaga kömek etmek. **2**. Bilelikde galaýylamak. *Ussa bilen onuň şägirdi mis kündükleri galaýylaşyp otyrdy.*

**GALAÝYLATMAK** [gala:ýylatmak], *işl.* Galaýy çaýdyrmak, galaýy bilen tutdurtmak. *Kitiriň sepindäki deşigi galaýylatmak.*

**GALAÝYLAÝJY** [gala:ýylaýjy], *at, ser.* **Galaýyçy**. *Galaýylaýjy kitiriň gulpuny berkitdi.*

**GALAÝYLAÝYŞ** [gala:ýylaýyş], *iş ady.* Galaýylamak usuly, täri.

**GALBAŇ** [galvaň], *syp.* Tümmerip, güberip duran, galyp duran, mese-mälim bolup duran. *Onuň galbaň çep ýaňagy peşehorda tagmaly, ýokarky dodagy gädiklije garaýagyz ýüzüni, okara ýaly gara gözlerini indi men has ýakyndan gördüm* (A. Atajanow).

**GALBAŇLYK** [galvaňlyk], *at.* Tümmerip, güberip duran, galyp duran halda bolmaklyk.

**GALBAŇRAK** [galvaňyra:k], *syp.* Azda-kände galbaň, çala galyp duran.

**GALBIR** [galvi:r], *at.* Däne elenýän uly iri göz elek. *Akmaga iç berip, syryň paş etme, Galbirde suw durmaz, gözemek bilen* (Magtymguly). *Suw niçiksi karar eder galbirde, Baş goşawer, gerçek dogan, mert bile* (Aşyky).

**GALBIRI** [galvi:ri], *at.* Aýal köýnekligi üçin tarada dokalýan gyralary sary zolakly mata (sap ýüpekden, kejiden ýa-da ýüplükden dokalýar). *Onuň egnine galbiri köýnek hem etdi* (B. Kerbabaýew).

**GALÇAK**, *at.* Kir, kir-kimir; ýelmeşip giden hapa.

◊ **Galçagyny gazamak** biriniň hyzmatynda bolmak, sübsegäri bolmak (göni manysy: kirini gazamak, gazap aýyrmak). *Baba-da, Jumaguly baýam meni, çagalarymy taşlap, başga biriniň galçagyny gazamaga mejbur edip bilmez* (N. Hojageldiýew). *"Ýetim bolansoňlar, bütin ömrüme olaryň galçagyny gazadym. Ulalyp adam çykdylar-da, meni ýatdan çykardylar. Geregimiz ýok" diýip, garryja aýal zeýrendi.*

**GALÇAKLY**, *syp.* Kirli.

**GALDAW** [gallow], *syp.* Örän çalt gopagan, ýeňil galagan (adam we at hakynda). *Ol ýeňil, diýseň galdaw adam.*

**GALDAWLYK** [gallowluk], *at.* Her bir iş üçin çalt gopaganlyk, galdaw häsiýetlilik, ýeňil galaganlyk, galjaňlyk. *Munuň özi şeýle goýazy ýaly weli, çendan galdawlygy-da ýok däl* (B. Kerbabaýew).

**GALDAWRAK** [gallowra:k], *syp.* Azda-kände galdaw. *Ol galdawrakdyr.*

**GALDYRAKLAMAK** [gallyraklamak], *işl.,ser.* **Galdyramak**.

**GALDYRAMA** [gallyrama], *iş ady.* Galdyramak ýagdaýy.

**GALDYRAMAK** [gallyramak], *işl.* Gyzdyryp, gorkup, üşäp we ş.m. ýagdaýlar sebäpli sandyramak, gagşamak, galpyldamak.

**GALDYRAMAKLYK** [gallyramaklyk], *iş ady.* Galdyramak ýagdaýy, derejesi.

**GALDYRAMAZLYK** [gallyramazlyk], *iş ady.* Galdyrap durmazlyk.

**GALDYRAŞMAK** [gallyraşmak], *işl.* Köpçülikleýin galdyramak. *Üşäp galdyraşyp durus.*

**GALDYRATMAK** [gallyratmak], *işl.* Galpyldy döretmek, sandyratmak, gagşatmak.

**GALDYRAÝYŞ** [gallyraýyş], *iş ady.* Galdyramak ýagdaýy.

**GALDYR-BASDYR** [gallyr-vassyr], *syp.* Gizlin, bassyr-bussur, ýalan-ýaşyryk, galp, nädogry. *Mende galdyr-basdyr diýen zat bolmaz* (B. Kerbabaýew).

**GALDYR-BASDYRLYK** [gallyr-vassyrlyk], *at.* Gizlinlik, bassyr-bussurlyk, ýalan-ýaşyryklyk, galplyk, nädogrulyk.

**GALDYRMA** [ga:llyrma], *iş ady.* Galdyrmak ýagdaýy.

**GALDYRMA** [gallyrma], **1**. *iş ady.* Galdyrmak ýagdaýy. **2**. *ser.* **Galdyrym I**. **3**. *ser.* **Galdyrym II**. *Eşekguly bolsa possunyny ýüň saýyljak galdyrma ýaly edip, bükülip ýatyrdy* (N. Pomma).

**GALDYRMAK** [gallyrmak], *işl.* **1**. Ýerinden ýokaryk götermek, ýerinden örküni üzmek. *Kerpiçleri galdyrmak.* **2**. Dik duruzmak, dikeltmek. *Bu söz ony ýerinden galdyrdy. Goltgy berip galdyrmak.***3**. Bir zadyň üstüne çykarmak, öňki ýerinden göterip, ýerbe-ýer edip goýmak, ýygnamak. *Ýorgan-düşekleri galdyrmak. Tutyny galdyrmak.* **4**. Örüp, gor goýup beýgeltmek, boýuny ýetirmek, salmak, dikeltmek. *Jaýyň bir ganatyny galdyrmak.* **5**. Ukudan turuzmak, oýarmak. *Onuň galmagaly ýatan adamlary galdyrdy.* **6**. Öňki derejesinden ösdürmek, ýokary götermek, artdyrmak. *Türkmen saz sungatynyň abraýyny galdyrmak.* **7**. *göç.m.* Baş götermek, galkyndyrmak. *Halky göreşe galdyrmak.* **8**. *göç.m.* Keselden gutarmak, sagaltmak. *Kesellini şu derman galdyrdy.*

**GALDYRMAK** [ga:llyrmak], *işl.* **1**. Taşlap, goýup gitmek, görüp, bilip, alman gitmek. **2**. Ýaryşda we ş.m. ozup, yzda goýmak, yzda goýup, öňe saýlanmak. *Tiz wagtdan olar yzynda çal tozan galdyryp barýan topbak nokada öwrüldiler* ("Türkmenistan"). **3**. Ýatdan çykaryp goýup gaýtmak, goýup gitmek. *Äýnegi öýde galdyrmak.* **4**. Goýbolsun etmek, soňa goýmak, başga wagta geçirmek. *Çynlakaý meseläni sowatmazlyk üçin, ol beýleki meseläni entek galdyryp söze başlady* (B. Kerbabaýew). **5**. Kömekçi işlik hyzmatynda gelip, ysnyşyp gelýän atlar bilen baglanyşykly many aňladýar.

**GALDYRMAKLYK** [gallyrmaklyk], *iş ady.* Galdyrmak ýagdaýy.

**GALDYRMAKLYK** [ga:llyrmaklyk], *iş ady.* Galdyrmak ýagdaýy.

**GALDYRMAZLYK** [gallyrmazlyk], *iş ady.* Galdyrmak işini amal etmezlik, ýerine ýetirmezlik.

**GALDYRMAZLYK** [ga:llyrmazlyk], *işl.* Ýanyň bilen alyp gitmeklik, alyp gaýtmaklyk.

**GALDYRTMAK** [gallyrtmak], *işl.* **1**. Galdyrmak işini başga birine etdirmek. *Ýykylan çagany galdyrtmak. Ýorgan-düşegi galdyrtmak. Tamyň diwarlaryny galdyrtmak. Haýat galdyrtmak.* **2**. Öňki derejesinden ösdürtmek, ýokary götertmek, artdyrtmak. *Zähmet hakyny galdyrtmak.* **3**. *göç.m.* Galkyndyrtmak, öňki hetdine ýeter ýaly etdirtmek. *Çöken hojalygy galdyrtmak.* **4**. *göç.m.* Gutular ýaly etdirtmek, keselden gutartmak.

**GALDYRTMAK** [ga:llyrtmak], *işl.* **1**. Taşlatmak, goýdurmak. *Çagany öýde galdyrtmak.* **2**. Başga wagta geçirtmek, soňa goýdurmak, goýbolsun etdirtmek. *Meseläni häzirlikçe gün tertibinden galdyrtmak.*

**GALDYRYLMAK** [gallyrylmak], *işl.* **1**. Ýokary göterdilmek, ýerden örki üzdürilmek. *Agyr pürsler galdyryldy.* **2**. Bir zadyň üstüne çykarylmak, ýatan ýerinden göterilip tygşytly edip goýulmak, ýygnalmak. *Nepis nagyşly sandygyň üstüne münder-münder edip ýorganlar, per ýassyklar galdyrylypdyr* (A. Gowşudow). **3**. Örüp, gor goýup boýy ýetirilmek, salynmak. *Jaýyň ortaky diwary galdyryldy.* **4**. Öňki derejesinden ösdürilmek, ýokary göterilmek, artdyrylmak. *Işgärleriň iş haky galdyryldy.*

**GALDYRYLMAK** [ga:llyrylmak], *işl.* **1**. Taşlap gidilmek ýa-da taşlap gaýdylmak, goýulmak. *Häzir galada ýörite galdyrylan adamlardan başga jemende ýokdy* (G. Kulyýew). **2**. Goýbolsun edilmek, başga wagta geçirilmek, soňa goýulmak. *Bu gürrüň şu ýerde galdyryldy. Ýygnak ertire galdyryldy.*

**GALDYRYM** [gallyrym] **I**, *at.* Düýe çalynyň, aýranyň, turşy gatygyň üstüne ýaňy saglan çig süýt

guýlanda köpürjikläp ýüzüne galýan önüm, agaran (düýe süýdüne degişli). *Galdyrymyny almak. Çalyň ilkinji galdyrymy.*

**GALDYRYM** [gallyrym] **II**, *at.* Ýüň saýmak üçin ýere çäge, ders, saman düşelip, üstüne deri ýa-da başga zat ýazylan düşek. *Galdyrym edilen düşegiň üstünde ýüň saýmak.*

**GALDYRYŞ** [gallyryş], *iş ady.* Galdyrmak ýagdaýy.

**GALDYRYŞ** [ga:llyryş], *iş ady.* Galdyrmak ýagdaýy.

**GALDYRYŞDYRMAK** [gallyryşdyrmak], *işl.* Köp zady galdyryp çykmak, dikeldişdirip, ýygnaşdyryp çykmak. *Ýatan gawunlary galdyryşdyryp gördi. Ýeliň ýykan şitilleriniň düýbüni tommaklap galdyryşdyrdy.*

**GALDYRYŞMAK** [gallyryşmak], *işl.* **1**. Galdyrmaga kömekleşmek. *Ýük galdyryşmak. Tamyň diwaryny galdyryşmak.* **2**. Bir zat götermekde ýaryşmak. *Ştanga galdyryşmak.*

**GALEREÝA** [galere:ýa], *at.* Synlamak üçin sungat eserleri ýerleşdirilen ýörite jaý; köp sanly çeperçilik muzeýleriniň ady. *Milli galereýa.*

**GALGADYŞ** [ga:lğadyş], *iş ady.* Galgatmak ýagdaýy.

**GALGADYŞMAK** [ga:lğadyşmak], *işl.* Birnäçe bolup eliňi ýa-da eliňdäki zady ýokaryk galdyryp, yzygiderli hereketlendirmek. *Maşyna münen oglanlar ellerini galgadyşyp ugradylar.*

**GALGAMA** [ga:lğama], *iş ady.* Galgamak ýagdaýy.

**GALGAMAK** [ga:lğamak], *işl.* Ýeliň we ş.m. täsiri bilen tertipsiz hereketlenmek, pasyrdamak, ýelpeselenmek. *Kejebäniň töwereginde akly-gyzylly atgulaklar galgaýardy* (B. Gulow). **2**. *göç.m.* Ýelkildäp ygyp ýörmek, gaýmalamak, selpemek, kaňkamak. *Nirä galgap barýarsyň? Nahar bişirýän çagalara: "Gazanyň golaýynda galgap ýörmäň" diýdi.*

**GALGAMAKLYK** [ga:lğamaklyk], *iş ady.* Galgamak ýagdaýy.

**GALGAMAZLYK** [ga:lğamazlyk], *iş ady.* Galgap ýörmezlik, galgap durmazlyk.

**GALGAN** [galğan], *at.* Çylşyrymly güllüler maşgalasyna degişli, boýy 30-60 *sm* ýetýän baldagy kerepli ösüntgijikler bilen örtülen, ýapragy ýumşak, süýnmegräk, gyralary tikenli, gültäji gyzyl ýa-da gyzgylt reňkli birýyllyk ot.

**GALGAŞMAK** [ga:lğaşmak], *işl.* **1**. Birnäçe zat galgamak, pasyrdamak. *Üçekleriň üstünde baýdaklar galgaşýardylar*. **2**. Birnäçe adam galgamak, gaýmalaşmak (*ser*. **Galgamak 2**). **3**. Yzygiderli galgap gaçyp durmak. *Saralan ýapraklar galgaşyp gaçyp dur.*

**GALGATDYRMAK** [ga:lğatdyrmak], *işl.* Galgatmaga mümkinçilik döretmek.

**GALGATMAK** [ga:lğatmak], *işl.* Galgap durar ýaly etmek. *Ol ýaglygyny galgadyp, biziň bilen hoşlaşdy.*

**GALGAÝYŞ** [ga:lğaýyş], *iş ady.* Galgamak hereketi.

**GALGYT** [ga:lğyt], *at, gepl. d.,ser.* **Galyndy 2**. *Köne Marynyň galgytlary bolan Soltan Sanjar gümmeziniň gapdalyndan dogan Gün özüniň agyr göwresini ýerden ýaňyja saýlapdyr* (B. Kerbabaýew).

**GALJAŇ**, *syp.,ser.* **Galdaw**. *Kakaň pahyr galjaň adamdy*.

**GALJAŇLYK**, *at, ser.* **Galdawlyk**. *Ol galjaňlyk bilen ýerinden turdy* (B. Seýtäkow).

**GALJAŇRAK** [galjaňyra:k], *syp.* Azda-kände galjaň.

**GALKAN**, *at.* Sowuk ýaragyň urgusyndan goranmak üçin köne döwürde urşujylaryň elde göterýän gapak görnüşli demirden edilen enjamy. *Çadyryň öňünde naýza, egri gylyç hem galkan bilen ýaraglanan iki sany sakçy durdy* (T. Taganow).

◊ **Galkan şekilli mäz** adamyň we oňurgaly haýwanlaryň bedeninde maddalaryň çalyşmagyna gatnaşýan içki mäz. **Ýele** – **ýelken, güne** – **galkan (bolmak)** yssy, sowuk diýmän zähmet çekmek, işlemek. *Bütin ömrüne ýele – ýelken, güne – galkan bolup, gün-güzeranyny dolapdy.*

**GALKDYRMAK** [galykdyrmak], *işl.* **1**. Göwün açdyrmak, höweslendirmek, ruhy taýdan götermek. *Hoş habar onuň göwnüni galkdyrdy.* **2**. *göç.m.* Aýaga galdyrmak, baş götertmek.

**GALKMA** [galykma] **I**, *iş ady.* Galkmak ýagdaýy.

**GALKMA** [galykma] **II**, *at.* Gawun-garpyzyň çigidi gaýnadylyp alynýan ýag.

**GALKMAK** [galykmak], *işl.* **1**. Ýokary göterilmek, galmak, ýokarlamak. *Onuň göwnüne gara bulutly asman älemine nurly gün galkyp çykan ýaly boldy* (B. Seýtäkow). **2**. Göwün göterilmek, höwes artmak, ruhlanmak. *Bu şatlykly habara çökgün göwnüm galkyp begendim*. **3**. *göç.m.* Aýaga galmak, baş götermek.

**GALKMAKLYK** [galykmaklyk], *iş ady.* Galkmak ýagdaýy.

**GALKYJAKLAMA**, *iş ady.* Galkyjaklamak ýagdaýy.

**GALKYJAKLAMAK**, *işl.* **1**. Çala aşak-ýokary galmak, leňkildemek, hereketlenmek. *Ol galkyjaklap ýörände, ençeme gözler oňa bakan aýlandy* (B. Kerbabaýew). **2**. Çala tolkun atmak. *Galkyjaklaýan läbik mele suw çaýkanyp ýatyrdy* (B. Kerbabaýew). **3**. Şatlykly ýagdaýa düşmek, begençli halda galkynmak. *Göwün guşy ylla nirädir galkyjaklaýan Begenje söz bererismi?* (B. Kerbabaýew).

**GALKYJAKLAMAKLYK**, *iş ady.* Galkyjaklamak ýagdaýy.

**GALKYJAKLAMAZLYK**, *iş ady.* Galkyjaklap durmazlyk.

**GALKYJAKLATDYRMAK**, *işl.* **1**. Aşak-ýokary birsydyrgyn çala hereket etdirmek, çala leňkildetdirmek. *Suwdaky gaýygy galkyjaklatdyrmak.* **2**. Çala tolkun atdyrtmak. *Şemal suwuň gyrasynda duran gaýygy galkyjaklatdyrýardy.***3**. Şatlanar ýaly etmek, joşdurmak, ruhlandyrmak. *Hoş habar göwünleri galkyjaklatdyrdy.*

**GALKYJAKLATMAK**, *işl.* **1**. Çala aşak-ýokaryk birsydyrgyn hereket etdirmek, çala towusdyrmak, leňkildetmek. *Suw gaýygy galkyjakladýardy.* **2**. Çala tolkundyrmak, tolkun atdyrmak. *Şemal suw tolkunlaryny galkyjakladyp, kenara urýardy.* **3**. Ruhlandyrmak, joşdurmak, şatlandyrmak. *Sazyň äheňi bolsa, biri-birini mäkäm gysýan elleriň goltuklardan gop berip galkyjakladýan, göwünleri göwünlere jebisleýän siňňin ýylysy ýaly syzylýardy* (B. Kerbabaýew).

**GALKYNDYRMAK** [galkynnyrmak], *işl.* **1**. Sähel galdyrmak, gobsundyrmak. *Birden çykan ses çöküp oturan düýäni galkyndyrsa-da turuzmady.* **2**. Maddy taýdan goldaw bolmak, gurplandyrmak; ysgyna getirmek. *Hasyldan gelen girdeji maşgalany galkyndyrdy.* **3**. Ruhy taýdan gylawlandyrmak, höweslendirmek, ruhlandyrmak.

**GALKYNMA**, *iş ady.* Galkynmak ýagdaýy.

**GALKYNMAK**, *işl.* **1**. Galjak bolmak, sähel galmak, gobsunmak. **2**. Höwesiň artmak, keýpiň göterilmek, ruhlanmak. **3**. Birneme gurplanmak, durmuşyň gowulanmak. *Daýhanlar birneme galkyndy.*

**GALKYNMAKLYK**, *iş ady.* Galkynmak ýagdaýy.

**GALKYNYŞ**, **1**. *iş ady.* Galkynmak ýagdaýy. **2**. *at.* Ýokary göteriliş, ösmek arkaly güýçli derejede ýokary galyş.

**GALKYŞ**, **1**. *iş ady.* Galkmak ýagdaýy. **2**. Ýokary göteriliş, galyş.

**GALLA**, *at.* **1**. Arpa, bugdaý ekini, ak ekin. **2**. Bugdaý, arpa we ş.m. ekinlerden alynýan hasyl, däne. *Galla hasyly.*

**GALLAÇ** [galla:ç], *at.* Gazanjy gününi dolandyrmaga ýetmeýän, eli ýuka, ýoksul, garyp, mätäç. *Özi gallaç, nirde garyp adamlar, Köňli bilen gezer ýeriň pessinde* (Zelili).

**GALLAÇLYK** [galla:şlyk], *at.* Gazanjy gününi dolandyrmaga ýetmezlik, eli ýukalyk, ýoksullyk, garyplyk, mätäçlik. *Ýigide gallaçlyk külli aýypdyr, Her ýan gezer, bilmez eder işini* (Magtymguly).

**GALLAÇY**, *at.* Galla ösdürip ýetişdirmek bilen meşgul bolýan daýhan. *Bu görelde köp gallaçylar üçin nusga bolup hyzmat etdi* ("Türkmenistan").

**GALLAÇYLYK**, *at.* **1**. Galla ösdürip ýetişdirmeklik işi. *Oba adamlary gallaçylyk bilen meşguldylar.* **2**. Oba hojalygyň galla öndürip ýetişdirýän pudagy. *Ýurdumyzyň gallaçylyk etraplary.*

**GALLADAR** [gallada:r], *at, kön.s.* Gallasy köp bolan, gallaly. *Galladar baýlar – galla berýär* ("Görogly").

**GALLAGMAK** [gallağmak], *işl.*, *gepl.d.* Ýokary galyşmak, ýokary galyp durmak, gallygmak. *Ýagyş degmesin diýip gapyrjaklaryň üstüni basyran selinlerim gallagyp dur, ony ýel äkidäýmese-de biri.*

**GALLAMA** [ga:llama], *iş ady.* Gallamak ýagdaýy.

**GALLAMAK** [ga:llamak], *işl.,gepl.d.* Daşyny almak, töweregine aýlaw bolmak, gurşamak, gabamak. *Gyzlar onuň daşyny gallap, başyna ýaglyk atýarlar, gülüşýärler* ("Edebiýat we sungat").

**GALLAMAKLYK** [ga:llamaklyk], *iş ady.* Gallamak ýagdaýy.

**GALLAMAZLYK** [ga:llamazlyk], *iş ady.* Gallamak işini amal etmezlik, gallap durmazlyk.

**GALLANMAK** [ga:llanmak], *işl.* Daşy alynmak, gurşalmak, gabalmak. *Onlap garawul tarapyndan gallanyp gelýän kiçijik orda derwezä ýakynlaşdy.*

**GALLAŞMAK** [ga:llaşmak], *işl.* Birnäçe bolup daşyny almak, daşyna aýlanyşmak.*Gallaşyp aldylar gelnaljyň daşyn, Çekdiler, açdylar käbirniň başyn* (B. Kerbabaýew).

**GALLYGYŞMAK** [gallyğyşmak], *işl.* Galşyp durmak, ýokary göterilişip durmak. *Damarlarynyň gallygyşýanyna gözüm düşdi.*

**GALLYKDYRMAK**, *işl.* Öňki ýerinden sähel galdyrmak, çala ýokary götermek. *Şemal onuň saçyny gallykdyryp bulaşdyrypdyr.*

**GALLYKMA**, *iş ady.* Gallykmak ýagdaýy.

**GALLYKMAK**, *işl.* Öňki ýerinden sähel galmak, çala ýokary göterilmek. *Ýaranyň kesmegi gallygypdyr.*

**GALLYKMAKLYK**, *iş ady.* Gallykmak ýagdaýy.

**GALMA**, *iş ady.* Galmak ýagdaýy, hereketi.

**GALMA** [ga:lma], *iş ady.* Galmak ýagdaýy.

**GALMAGAL** [galmağal], *at.* **1**. Köpçüligiň wagyrdysy, gykylyk, zenzele, gykuw, goh. *Olaryň jagyl-jugul, galmagal, gülki we aýdym sesleri gelip durdy* (A. Durdyýew). **2**. Bir zadyň üstünde turan jenjel, gopgun, dawa. *Ýigit bar hiç iş bitirmez, Il irer galmagalyndan* (Mollamurt).

**GALMAGALÇY** [galmağalçy], *syp.* Gopgun edegen, gykylykçy, jenjelçi, dawaçyl.

**GALMAGALLAMAK** [galmağallamak], *işl.* **1**. Galmagal etmek, wagyrdy, gykylyk etmek, zenzele, gykuw turuzmak, gykylyklamak. *Galmagallap bizar etmek. Galmagallap durmak.* **2**. Bir zat üçin jenjel turuzmak, gopgun, dawa etmek. *Az zat üçin galmagallap durmasaňyzlaň!*

**GALMAGALLAŞMAK** [galmağallaşmak], *işl.* Biri-biriň bilen galmagal etmek, gykuw edişmek, gykylyklaşmak. *Galmagallaşyp hiç zat eşitdirmediňiz.*

**GALMAGALLY** [galmağally], *syp.* **1**. Wagyrdysy, gykylygy köp, zenzeleli, gykuwly. *Aljyraňňylyk, galmagally Bazar adamy garyşdy* (R. Seýidow). **2**. Gopgunly, jenjelli, dawaly. *Galmagally mesele.*

**GALMAGALSYZ** [galmağalsyz], *syp.* **1**. Wagyrdysy, gykylygy ýok, sessiz-üýnsüz, zenzelesiz, gykuwsyz. **2**. Gopgunsyz, jenjelsiz, dawasyz, imi-sala. *Seniň hem giden ýeriňden galmagalsyz gaýdyp geleniňi görermikäm?* (B. Pürliýew).

**GALMAK**, *işl.* **1**. Ýokary göterilmek. *Şamlan aý ýaňyja dogup, galyp başlady* (A. Gowşudow). **2**. Ýerden göge göterilmek, uçmak. *Agajyň üstünde gonup oturan guşlar birden asmana galdy. Uçarlar asmana galyp gitdi.* **3**. Ör turmak, dikelmek, turmak. *Ol ýeňillik bilen ýerinden galdy*. **4**. Derejesi artmak. *Abraýy galmak.* **5**. Keselden, ýarawsyzlykdan gutulmak. *Ol keselden açylyp, galyp gitdi.*

**GALMAK** [ga:lmak], *işl.* **1**. Bir ýerden ikinji ýere gitmän ýa-da äkidilmän, öňki ýerde bolmak. *Arwananyň ýüki galmaz, Ýola girseň ner biläni* (Magtymguly). **2**. Ýaryşda soň gelmek, işde we ş.m. ýetişmän yzda bolmak, yzagalak bolmak. *Atlaryň hemmesi birinji aýlawda gyr atdan galdy.* **3**. Bir ýere gitmekden saklanmak. *Işden galmak. Okuwdan galmak.* **4**. Ýetişip bilmezlik. *Awtobusdan galmak*. **5**. Ýatdan çykmak, alynman gaýdylmak. *Myhmanlaryň biriniň-ä elýaglygy galypdyr.* **6**. Harçlanandan, sowlanyndan belli bir möçberde artyk bolmak, galyndy bolmak. *100 müň manatdan 50 müň manat galdy.* **7**. Wagt, möhlet gerek bolmak. *Baýrama çenli 5 gün galdy.* **8**. Bökdenmek, ýöremän ýatmak. *– Meniň dükanda söwdam galar – diýip, Myrat aganyň ýüzüne seretdi* (H. Derýaýew). **9**. Bir iş etmek ukybyny ýitirmek (öňünden gelýän söz çykyş düşümde gelýär). *Indi biz hatdan galdyk. Maşyn sürmekden galanyma ep-esli wagt boldy.* **10**. Aýrylmak. *Kellämiň agyrysy galdy.* **11**. Soňa goýulmak, başga wagta geçmek. *Ýygnak ertire galdy.* **12**. *Galmak* kömekçi işligi sypatdan soň gelip, täze manyly düzümli işlik ýasalýar: **Aman galmak** ölmän galmak, aman çykmak. **13**. *Galmak* kömekçi işligi hal işliginden soň gelip, täze manyly düzümli işlik ýasalýar: **Bilip galmak** bir zada göz ýetirmek, düşünmek. *Men onuň nähili adamdygyny soň bilip galdym*. **Boşap galmak** ýaşaýjylary dargamak, gitmek. *Oba boşap galypdyr.* **Doňup galmak** ýolda-yzda, meýdanda we ş.m. ýerde gaty üşäp ölmek.

◊ **Galan at** öleniň hatyrasy üçin onuň özüniň ýa-da çagalarynyň, başga bir ýakyn garyndaşynyň çagasyna dakylýan at.

**GALMAKLYK**, *iş ady.* Galmak ýagdaýy.

**GALMAKLYK** [ga:lmaklyk], *iş ady.* Galmak ýagdaýy.

**GALMAZLYK**, *iş ady.* **1**. Galmak hereketi bolup geçmezlik. **2**. Keselden açylmazlyk, gutulmazlyk. *Ol agyr keselläp, wagty bilen galmady*.

◊ **Galmaz güne salmak** çykgynsyz güne düşürmek, agyr ýagdaýa salmak, aýňalmaz ýaly ýagdaýa eltmek. *Ters ýola duşen perzent ene-atasyny galmaz güne salar eken*. **Galmaz etmek** agyr galyň salyp, onuň aşagyndan çykmaz ýaly etmek, üzüp bilmez ýaly etmek. *Oglum üçin gudaçylyga baran ýerim galmaz edip, mal kesdiler*.

**GALMAZLYK** [ga:lmazlyk], *işl.* Galar ýaly bolmazlyk, galmak katdyna ýetmezlik, galyp durmazlyk.

**GALMYK**, *at, ser.* **Galmyklar**.

**GALMYKLAR**, *at.* Galmygystanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**GALŇAMA**, *iş ady.* Galňamak ýagdaýy.

**GALŇAMAK**, *işl.* Öňküsinden galyň bolmak, öňküsinden küti bolmak, kütüligi artmak. *Meniň ýazuw depderçäm barha galňaýardy.*

**GALŇAMAKLYK**, *iş ady.* Galňamak ýagdaýy.

**GALŇAŞMAK**, *işl.* Kem-kemden galňamak, galňap başlamak, barha galyň bolmak (birnäçe ýa-da köp zat hakynda). *Howa sowap, bulutlar galňaşýardy*.

**GALŇATDYRMAK**, *işl.* Öňküsinden galyň etdirmek, has küti etdirmek.

**GALŇATMAK**, *işl.* **1**. Öňküsinden galyň, küti etmek. *Topragy galňatmaly.* **2**. Inini ýasylandyrmak, inini ulaltmak (esasan, pel, böwet hakynda). *Sähet: – Hany indi aýryl – diýdi we böwediň ýeňsesini galňatmaga başlady* (A. Gowşudow).

**GALŇAS**, *syp.* Galyňrak.

**GALOŞ** [galo:ş], *at.* Ygallykda keçe ýa-da gaýyş aýakgabyň daşyndan ýa-da diňe özi geýilýän bagjyksyz, düzdaban rezin aýakgap. *Galoşyny gapynyň daş ýüzünde çykaryp, içerik girdi* (B. Pürliýew).

**GALP**, *syp., at.* **1**. Hakyky däl, ýalan. *Galp maglumat. Galp pul.* **2**. Galp iş edýän; ýalançy, wepasyz. *Galpyň gazany gaýnamaz, gaýnasa-da baýnamaz* (Nakyl). *Adamzatdan çykar adamlyk ysy, Galp adamyň basym biliner misi* (Magtymguly).

**GALPAK**, *at.* **1**. Çaganyň päki degmedik ilkinji saçy. *Suratda gara galpajygy eginjigine düşüp duran, ak ýüzlüje, tokarja gyzjagaz bir enaýyja gülüpjik otyrdy* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *kön. s.* Kellä geýilýän tahýa. *Hup ýaraşar başda galpak, egniňe gülgün kaba* (Mollanepes). *Galpak geýerler al bilen, Ýüzün bezärler hal bilen, Gezerler ýüz hyýal bilen, Seýl edip her ýana gyzlar* ("Kasym oglan"). **3**. Çyranyň ýagtysy bir ýere düşer ýaly, çüýşesine geýdirilýän örtük. **4**. Oglana ýa-da gyza dakylýan at.

◊ **Galpak toýy** çaganyň galpagy syrylanda edilýän toý. *Bu gün kiçi agtygymyň galpak toýy.*

**GALPÇYLYK** [galypçylyk], *at.* Galp iş etmeklik häsiýeti, galplyk, aldawçylyk, ýalançylyk. *Galpçylyk edip işden çykarylandygyny aýtmady.*

**GALP-GALP** [galp-galp], *s. ş. aňl. söz.* Üşemekden ýaňa galpyldap duran adamyň bolşy, ýagdaýy. *Galp-galp edip durmak.*

**GALPLAŞDYRMA** [galyplaşdyrma], *iş ady.* Galplaşdyrmak ýagdaýy.

**GALPLAŞDYRMAK** [galyplaşdyrmak], *işl.* Hakykaty ýoýup görkezmek.

**GALPLAŞDYRMAKLYK** [galyplaşdyrmaklyk], *iş ady.* Galplaşdyrmak ýagdaýy.

**GALPLAŞDYRYLMAK** [galyplaşdyrylmak], *işl.* Galp edilmek, ýoýulmak. *Bu waka galplaşdyrylyp aýdylypdyr.*

**GALPLAŞDYRYŞ** [galyplaşdyryş], *iş ady.* Galplaşdyrmak ýagdaýy.

**GALPLYK** [galyplyk], *at, ser.* **Galpçylyk**.

**GALPYLDAMAK** [galpyllamak], *işl.* Üşäp, üşüdip, gorkup ýa-da howsala düşüp titremek, sandyramak, gagşamak, galdyramak. *Nazar süňňüniň galpyldap duranyny bildirmezlik üçin olaryň ýanyndaky gapydan daşaryk çykmak isledi* (B. Pürliýew).

**GALPYLDAMAKLYK** [galpyllamaklyk], *iş ady.* Galpyldamak ýagdaýy.

**GALPYLDAMAZLYK** [galpyllamazlyk], *iş ady.* Galpyldap durmazlyk.

**GALPYLDAŞMAK** [galpyllaşmak], *işl.* Birnäçe adam bolup üşäp, üşüdip, gorkup ýa-da howsala düşüp titremek, sandyramak, gagşamak, galdyramak. *Ýolagçylaň galpyldaşýan inine, Ýylylyk ýaýransoň biri-birine, Ýüzlenşip janly gürrüň başlandy* (A. Kowusow).

**GALPYLDATMAK** [galpyllatmak], *işl.* Üşedip, gorkuzyp titrär ýaly etmek, sandyratdyrmak, gagşatdyrmak. *Sowuk suw ony galpyldadýardy. Bu duşuşyk onuň bütin süňňüni galpyldatdy.*

**GALPYLDAÝYŞ** [galpyllaýyş], *iş ady.* Galpyldamak ýagdaýy.

**GALPYLDY** [galpylly], *at.* Üşemekden ýaňa galpyldap duran adamyň düşen ýagdaýy.

**GALTAK**, *at.* Ýük daşamak üçin el bilen itilip sürülýän ýeke tigirli kiçijik araba.

**GALTAMA**, *iş ady.* Galtamak ýagdaýy.

**GALTAMAK**, *işl.* **1**. Bir zada çala degmek. **2**. Ýeňil kakyp geçmek, kakmak. *Maşyn dikilen pürsi çalaja galtap geçdi.*

**GALTAMAKLYK**, *iş ady.* Galtamak ýagdaýy.

**GALTAMAN I**, *at, taryh.* Ýaragly talaňçylyk edýän, ýol urýan garakçy. *Eşekguly ýoldaşlary aýdar öýdüp, bu ýerde günäni... galtamanlaryň üstüne atyp bilmedi* (N. Pomma).

**GALTAMAN II,** *at, kön. s.* Garyp, pukara.

**GALTAMANÇYLYK**, *at.* Galtamanyň eden talaňçylykly işi, galtamanlyk, garakçylyk, talaňçylyk.

**GALTAMANLYK I**, *at, ser.* **Galtamançylyk**.

**GALTAMANLYK II**, *at, gepl.d.* Garyplyk, pukaralyk.

**GALTAŞDYRMAK**, *işl.* Biri-birine degrip goýmak, ýanaşyk goýmak, çala degrip goýmak. *Galtaşdyryp goýmak.*

**GALTAŞDYRYLMAK**, *işl.* Biri-birine degrilip goýulmak.

**GALTAŞMA**, *iş ady.* Galtamak ýagdaýy.

**GALTAŞMAK**, *işl.* **1**. Biri-birine degip durmak, çala degmek. **2**. *göç. m.* Biri bilen ýakyn aragatnaşyk etmek, ýakynlaşmak, ýanaşmak. *Oňa galtaşarlygy ýokdur*. **3**. Dahylly bolmak, ilteşigi bolmak. *Olar bilen asyl galtaşýan ýeri hem ýok.*

**GALTAŞMAKLYK**, *iş ady.* Galtaşmak ýagdaýy.

**GALTAŞMAZLYK**, *iş ady.* Galtaşmak hereketi ýerine ýetirilmezlik.

**GALTAŞYK**, *syp.* **1**. Biri-birine degşip duran ýagdaýda bolmaklyk. *Galtaşyk goýlan demir bölekleri, edil, bir bitewi ýalydy.* **2**. Özara gatnaşyk, baglanyşyk, ýakynlyk, ilteşik, dahyllylyk. *Bu meseleleriň biri-biri bilen hiç hili galtaşygy ýok.*

**GALTAÝYŞ**, *iş ady.* Galtamak ýagdaýy.

**GALTGA** [galytga], *at.* Suwa batmaz ýaly balyk tutulýan torlara, çeňňegiň bagyna berkidilýän gara deregiň kökünden taýýarlanan agaç, kök bölegi.

**GALYBERMEK** [galyvermek], *işl.* **1**. Barha ýokarlanmak, asmana göterilmek, belende galmak. **2**. Ýerinden turup gidibermek, ugrabermek.

**GALYBERMEK** [ga:lyvermek], *işl.* Has yza galmak, yza galyp başlamak. *Kä ýerde büdräp, kä ýerde sürşüp, çakan at galyberdi* ("Görogly").

**GALYBERSE-DE** [ga:lyverse-de], "Ondan soň hem, mundan başga-da, üstesine-de, soňra hem" ýaly manyda ulanylýan söz.

**GALYNDY** [ga:lynny], *at.* **1**. Tutuş zadyň ujundan artyp galan bölek, artyk-süýşük. **2**. Geçmişde bolan, dowam eden zatdan galan yz, täsir. *Geçmişiň galyndysy.* **3**. Zyňyndy, taşlandy, zir-zibil.

**GALYNDYRMAK** [galynnyrmak], *işl.* **1**. Keselden, ýarawsyzlykdan sabatmak, gurplandyrmak. **2**. Ykdysady we durmuş taýdan oňatlaşdyrmak, gurplandyrmak. *Girdejiniň artmagy bu maşgalany galyndyrdy.*

**GALYNMAK**, *işl.* **1**. Keselden, ýarawsyzlykdan sabamak, sagalmak. *Keselhanadan çykandan soň hem ol birbada galnyp gidibermedi.* **2**. Maddy taýdan

oňatlaşmak, gün-güzeran ýagdaýy gowulaşmak, gurplanmak.

**GALYŇ I**, *syp.* Ýuka däl, küti. *Galyň gar agaçlaryň inçemik pudaklaryny ýaý ýaly egreldýärdi* (B. Kerbabaýew). *Galyň kitap. Galyň mata.*

**GALYŇ II**, *at.* Gelin edinilende ýigit tarapdan gyz üçin geçirilýän mal. *Gyz alynar galyň bilen, Adam solar zulum bilen, Nesibedir, ölüm bilen Dynar teşwüşden, dogrusy* (Magtymguly).

◊ **Galyň salmak** durmuşa çykjak gyz üçin öýlenjek ýigit tarapyndan geçirilmeli galyňy kesgitlemek. *Olar agyr galyň salyp durmazlarmyka diýýän* (A. Durdyýew).

**GALYŇ III**, *çal.* Sözlemde yzyndan gelýän söze gepleýjiniň aýratyn duýgusyny, garaýşyny ýüze çykarýan söz. *Galyň adam. Galyň bende.*

**GALYŇLYK I,** *at.* Ýuka dällik, kütülik. *Olaryň töwerekleriniň buzy dört barmak galyňlyga çenli ýetdi* (B. Seýtäkow).

**GALYŇLYK II**, *syp.* Galyň üçin niýetlenen pul, mal we ş.m. zatlar. *Galyňlyk pul ýygnamak. Galyňlyk halat.*

**GALYP** [ga:ly:p], *at.* **1**. Zadyň görnüşini, şekilini berýän ýörite enjam. *Kerpiç guýmak üçin galyp ýasatdym.* **2**. Aýakgap tikilende aýakgabyň şekilini bermek üçin ulanylýan taýly gural, şonuň ýaly-da aýakgabyň içine urulýan aýaga meňzeş agaç enjam. **3**. *göç.m.* Ölçeg; çäk. **4**. *göç.m., kön.s.* Göwre. *Eziz jan çykmasyn galyplaryndan* (Sopy Allaýar).

◊ **Galyp bolmak 1)** laýyk gelmek, jebis oturmak, şaplaşmak. *Birden ýorganyň üstüne zyňdy, eýeriň üstüne galyp boldy* ("Nejep oglan"). **2)** biriniň gepine, gürrüňine ýugrulmak, eý bolmak.

**GALYPÇY** [ga:ly:pçy], *at.* Galyp arkaly şekil guýujy, ýasaýjy işçi.

**GALYPLAMA** [ga:ly:plama], *iş ady.* Galyplamak ýagdaýy.

**GALYPLAMAK** [ga:ly:plamak], *işl.* Galyba salyp goýmak, galyba geýdirmek. *Köwşi galyplamak.*

**GALYPLAMAKLYK** [ga:ly:plamaklyk], *iş ady.* Galyplamak ýagdaýy.

**GALYPLAMAZLYK** [ga:ly:plamazlyk], *iş ady.* Galyplamak işi amal edilmezlik, galyba salmazlyk.

**GALYPLANMAK** [ga:ly:planmak], *işl.* Galyba salyp goýulmak, galyba geýdirilmek. *Köwüşler galyplanyp goýuldy*.

**GALYPLAŞDYRMAK** [ga:ly:plaşdyrmak], Galyplap çykmak, galyba salyşdyrmak, galyba geýdirişdirmek.

**GALYPLAŞMAK** [ga:ly:plaşmak], *işl.* Galyplamaga kömek etmek; bilelikde galyplamak. *Köwüş galyplaşmak.*

**GALYPLATDYRMAK** [ga:ly:platdyrmak], *işl.* Galyba saldyrtmak, galyba geýdirtdirmek.

**GALYPLATMAK** [ga:ly:platmak], *işl.* Galyplamak işini başga birine etdirmek. *Köwşi galypladyp, azajyk giňeltmek.*

**GALYPLAÝYŞ** [ga:ly:plaýyş], *iş ady.* Galyplamak ýagdaýy, işi.

**GALYŞ**, *iş ady.* Galmak ýagdaýy.

**GALYŞ** [ga:lyş], *iş ady.* Galmak ýagdaýy.

**GALYŞMAK**, *işl.* **1**. Kem-kemden ýokaryk göterilmek (birden köp zat hakynda). *Uçarlar ýeke-ýekeden ýokary galşyp başladylar*. **2**. Oturan ýerlerinden turup ugramak, turup başlamak. *Oturanlar gykylyga birden galyşdylar.* **3**. Ukudan oýanyşmak, turuşmak. *Ilki agşam ýatanlar irden ýerlerinden galşyp başladylar.* **4**. Ýuwaş-ýuwaşdan keselden, ýarawsyzlykdan gutulmak, sagalmak (birnäçe adam hakynda). *Ýarawsyz ýatanlarymyz hem galyşýar.*

**GALYŞMAK** [ga:lyşmak], *işl.* **1**. Kem-kemden galmak, galyp başlamak. *Zyýanly endikler kem-kemden galyşyp barýar*. **2**. Kem-kemden iş ukybyňy ýitirmek, güýçden galmak. *Hat okamakdan-da galyşyp ýörüs. Işden galyşmak.*

**GALYTGA**, *at.* Toruň ýokarky gyrasyna, çeňňegiň bagyna berkidilip, ony suwa çümdürmän saklap, suwuň ýüzünde durýan ýeňil agaç we ş.m. zat.

**GALYTGALAMA**, *iş ady.* Galytgalamak ýagdaýy.

**GALYTGALAMAK**, *işl.*Toruň ýokarky gyrasyna, çeňňegiň bagyna galytga dakmak, galytga daňmak.

**GALYTGALAMAKLYK**, *iş ady.* Galytgalamak ýagdaýy.

**GALYTGALAŞMAK**, *işl.* Galytga dakyşmak. *Tory galytgalaşmak*.

**GALYTGALATMAK**, *işl.* Galytga dakdyrmak.

**GALYTGALAÝYŞ**, *iş ady.* Galytgalamak ýagdaýy.

**GALÝAN** [galýa:n], *at.* Suw çilimi. *Nägehan gözi Sarygül bilen Asly hana düşdi, galýan elinden gaçyp syndy* ("Asly – Kerem").

**GAM**, *at.* **1**. Ruhy taýdan çekilýän ezýetli pikir, gussa, hasrat,öte gaýgy. *Gaýgy garrydar, gam öldir* (Nakyl). *Bilbiller mest bolsun, älem aýylsyn, Gaýgylar dep bolsun, gamlar sowulsyn* (Magtymguly). **2**. Alada, ünji, ynjalyksyzlyk, azar. *Orazgülüň derdi, gamy özüne ýetikdi* (A. Gowşudow).

◊ **Gama batmak** göwnüçökgün bolmak, ruhy taýdan gaty ejizlemek. **Gam çekmek (basmak)** gussa çekmek, gussa basmak, öte gaýgylanmak. *Päheý, munuň gam çekip oturan zadyna seret-le!* **Gamyny iýmek (etmek)** bir zadyň öňünden ugruna çykmak, azar edinmek, aladalanmak. *Gün-güzeranyň gamyny iýmek.*

**GAMA**, *at.* Iki ýüzli uzyn pyçak, hanjar.

**GAMAK**, *at.* **1**. Saýawan güllüler maşgalasyna degişli boýy 1-1,5 sm ýetýän bogun-bogun ýogyn

baldakly, dilik-dilik uly ýapraklary ýeriň ýüzüne ýazylyp ýatan, baldagy orta bilinden owunjak şahalanýan, ýogyn kökli köp ýyllyk otjumak ösümlik. **2**. Çomujyň, gamşyň guran baldagy, palajy.

◊ **Gamaga dönmek** süňk bolup galmak, horlanmak, sykylmak zerarly ýeňlemek. *Sen-ä gamaga dönäýipsiň.* **Gamak ýaly (kimin)** ýeňil, guş ýaly. *Işe gezek gelende, ol edil gamak ýaly ýeňil gopýardy* ("Edebiýat we sungat").

**GAMAŞDYRMAK** [ga:maşdyrmak], *işl.* **1**. Nägilelik bilen ýüz-gözüňi bürjeşdirmek, kokuşdyrmak, hyrsyzlandyrmak. *Ýagjak bulut ýaly ýüzüni gamaşdyrdy* (K. Jumaýew). **2**. Gözüň görüş ukybyny peseltmek, ümezletmek, bulaşdyrmak. *Bahar bolsa göz gamaşdyr, Açylan güli näzliniň* ("Saýatly – Hemra"). **3**. Bişmedik gök iýmişiň, turşy tagamyň dişiň çeýnemek ukybyny peseltmegi, dişiň gylawyny almagy. *Gök üzüm dişiňi gamaşdyrýar.*

**GAMAŞMA** [ga:maşma], *iş ady.* Gamaşmak ýagdaýy.

**GAMAŞMAK** [ga:maşmak], *işl.* **1**. Howanyň ýüzi bulaşmak, bulut bilen örtülmek, çytawunly bolmak. *Howa gamaşyp, asmanyň ýüzüni aksowult bulut perdeläpdir* (A. Gowşudow). **2**. Nägile, gaharly görnüşe geçmek, çytylmak, bürjeşmek. *Onuň gaşlary bir ýere gelip, ýüzi gamaşdy* (H. Garabaýew). **3**. Ýiti şöhläniň we ş.m. täsiri sebäpli gözüň öňi ümezlemek, bulaşmak. *Ýüzüňe gözlesem, gözüm gamaşýar, Hurşytmu sen, enwermu sen, näme sen?* (Mollanepes). **4**. Bişmedik gök iýmiş iýilmegi netijesinde dişiň çeýnemek ukybynyň peselmegi, dişiňi almagy. *Gök üzüm iýip, dişiň gamaşmak.*

**GAMAŞMAKLYK** [ga:maşmaklyk], *iş ady.* Gamaşmak ýagdaýy.

**GAMAŞMAZLYK** [ga:maşmazlyk], *iş ady.* Gamaşmak katdyna ýetmezlik.

**GAMAŞYK** [ga:maşyk], *syp.* **1**. Dury, asuda bolmadyk, açyk däl, bulaşyk (howa hakynda). *Gamaşyk howada ak gar tozgalary gaýmalaşýardy, sowuk şemal öwüsýärdi* (A. Gowşudow). **2**. Açyk däl, bulaşyk, çytyk(adamyň boluş ýagdaýy hakynda). *Hoş söz gamaşyk ýüzüne biraz ýagtylyk çaýdy*. **3**. Aýdyň däl, ümezli, bulaşyk (göz hakynda). *Gamaşyk gözleri hiç zady saýgarmaýardy.*

**GAMAŞYKLYK** [ga:maşyklyk], *at.* **1**. Açyk dällik, bulaşyklyk (howa hakynda). *Howanyň gamaşyklygy ony ýolundan goýdy.* **2**. Açyk dällik, gaharlylyk,ýüzi çytyklyk. *Ýüzüniň gamaşyklygy habar gatmaklyga çekindirýärdi.* **3**. Aýdyň dällik, ümezlilik, bulaşyklyk (göz hakda). *Gözüniň gamaşyklygy seredýän zadyny goşa görkezýärdi.*

**GAMAŞYŞ** [ga:maşyş], *iş ady.* Gamaşmak ýagdaýy.

**GAMÇAW** [gamçow], *at.* Gijilewükli, örgünli göz keseli.

**GAMÇY**, *at.* At çapdyrmak üçin agaç sapa berkidilen örme ýa-da tasma görnüşli gaýyş.

◊ **Gamça basmak** gamçylap, gaty çapdyryp gitmek. *Şol wagt şäher tarapdan bir adamynyň atyny gamça basyp gelýänini gördüm* (A. Durdyýew). **Gamça dönmek** eti-gany dökülip, çöpe dönmek, gaty horlanmak, inçelmek. *Ol soňky wagtda horlanyp, gamça dönäýipdir.* **Gamçy bulamak 1)** haýbat atmak, abaý etmek, sürünmek. **2)** öňe saýlanmak, üstün çykmak, ozmak. *Sen şol synagdanam üstünlik bilen geçseň, gamçyny bulaýaň.* **Gamçy iýmek** gamçy bilen urulmak, ýenjilmek, saýgylanmak, gamçylanmak. *Patyşadan kyrk gamçy iýdik* ("Görogly"). **Gamçysyndan gan dammak** köp nähak gan dökmek, rehimsiz, zalym bolmak. *Zalymlar mazluma syrtyn gabardyp, Gamçysyndan ganlar dama başlady* (Magtymguly). **Gamçy ýaly bolmak** *ser*. **Gamça dönmek**.

**GAMÇYLAMA**, *iş ady.* Gamçylamak ýagdaýy.

**GAMÇYLAMAK**, *işl.* Gamçy bilen urmak; gamçylap sürmek, çapdyrmak.

**GAMÇYLAMAKLYK**, *iş ady.* Gamçylamak ýagdaýy.

**GAMÇYLAMAZLYK**, *iş ady.* Gamçy bilen urmazlyk.

**GAMÇYLANMAK**, *işl.* Gamçy bilen urulmak, gamçy bilen saýgylanmak, gamçy çalynmak.

**GAMÇYLAŞMAK**, *işl.* **1**. Bilelikde gamçylamak, gamçy bilen saýgylamak. *Bir topar esgerler atlaryny gamçylaşyp geçdiler.* **2**. Biri-biriňi gamçylamak. *Nökerleriň sözleri azaşyp gamçylaşyp başladylar.*

**GAMÇYLATMAK**, *işl.* Gamçylamaga mümkinçilik bermek, ýol bermek. *Hortap atlar gamçylatmaýardy, debsiletmeýärdi* ("Edebiýat we sungat").

**GAMÇYLAÝYŞ**, *iş ady.* Gamçylamak ýagdaýy.

**GAMÇYLYK**, *syp.* Gamçy üçin niýetlenen (gaýyş).

**GAM-GUSSA** [gam-ğusso], *at.* Agyr ruhy sarsgyn sebäpli ejiri çekilýän uly alada. *Misgin düşen Magtymguly eňremez, Ýüreginden gam-gussalar dep bolsa* (Magtymguly).

**GAMGYN** [gamğy:n], *syp.* Örän gaýgyly, gussaly. *Ol esli salym ýüzüni aşak salyp, gamgyn bolup oturdy* (G. Kulyýew).

**GAMGYNLANDYRMAK** [gamğy:nlannyrmak], *işl.* Gamgynlanmak katdyna ýetirmek, gamlandyrmak. *Toýdan galmagy ony gamgynlandyrdy.*

**GAMGYNLANMA** [gamğy:nlanma], *iş ady.* Gamgynlanmak ýagdaýy.

**GAMGYNLANMAK** [gamğy:nlanmak], *işl.* Gamgyn bolmak, hasrat çekmek, gaýga batmak,

gamlanmak. *Gamgynlanyp başlamak. Gamgynlanyp oturmak.*

**GAMGYNLANMAKLYK** [gamğy:nlanmaklyk], *iş ady.* Gamgynlanmak ýagdaýy.

**GAMGYNLANMAZLYK** [gamğy:nlanmazlyk], *iş ady.* Gamgynlanmak katdyna ýetmezlik.

**GAMGYNLANYŞ** [gamğy:nlanyş], *iş ady.* Gamgynlanmak ýagdaýy.

**GAMGYNLYK** [gamğy:nlyk], *at.* Gamgyn halda bolmaklyk, gaýgylylyk, gussalylyk, tukatlyk. *Bu ýagdaýa gamgynlyk bilen garap, ýüzüni aşak saldy*.

**GAMHANA** [gamha:na], *at, kön.s.* Köp gam çekýän, gamyň öýi, köp gussaly. *Şat bolan günlerim boldy gamhana, Bar, Hemrahym, sag bar, aman gelgeý sen* ("Saýatly – Hemra"). *Akja gelin, gamsyz başym, Gamhana boldy, neýläýin?* ("Şasenem – Garyp").

**GAM-HASRAT** [gam-hasyrat], *at, ser.* **Gam**. *Bu ýylgyryşyň şatlygyň alamatymy ýa-da gam-hasratyň alamatymy, haýsy boldugyna düşünmän, ol aljyrady* (A. Gowşudow).

**GAMHOR** [gamho:r], *syp., kön.s.* Gamyny iýýän, aladasyny edýän; hossar gözi bilen garaýan, derdini bölüşýän. *Hossarym, gamhorym, hemrahym meniň, Ýokdur ondan gaýry penahym meniň* (Hatam şahyr).

**GAMHORLYK** [gamho:rluk], *at.* Gamyny iýijilik, aladasyny edijilik, hossarlyk. *Aýsoltana gamhorlyk etjegine söz berýä*r ("Görogly").

**GAMKEŞ**, *at, k.d.* Gam çekýän adam. *Nesibäm eşgi laýa bulaşdy, Gaça durmak her gamkeşe ýaraşmaz* (Talyby).

**GAMLANDYRMAK** [gamlannyrmak], *işl.* Gam çekdirmek, gaýgylandyrmak, bir zadyň gaýgysyny etdirmek. *Men seni gamlandyrmak islämok* (B. Seýtäkow).

**GAMLANMAK**, *işl.* Ruhy taýdan gam çekmek, gussa çekmek, gaýgylanmak, gamgynlanmak.

**GAMLY**, *syp.* Öte gaýgyly.

**GAMLYLYK**, *at.* Gaýgylylyk, gussalylyk. *Emma beýle gamlylyk onuň owadanlygyna şikes ýetirmeýärdi* (B. Seýtäkow).

**GAMMAR**, *syp., gepl. d.* **1**. Lül, serhoş. **2**. Oglana dakylýan at.

**GAMMAZ** [gamma:z], *at, kön.s.* Gep gezdirýän gepçi, gybatkeş. *Gammazlary sansyz, misli çör-çöpdür, Begim, awy gatar, aşyňa seniň* (Şabende).

**GAMNÄK** [gamnä:k], *syp., k. d.* Gamly, gaýgyly, tukat. *Dilber-ä, ýyglatma köp hijriňde men gamnäkni* (Gaýyby).

**GAMSYZ**, *syp.* Gamy ýok, gaýgysyz, gussasyz, alada-ünjüsiz. *Akja gelin, gamsyz başym, Gamhana boldy, neýläýin* ("Şasenem – Garyp").

**GAMSYZLYK**, *at.* Gamy ýokluk. *Gamsyzlyk bilen berýän jogabyna gysylýardy.*

**GAMYŞ**, *at.* **1**. Suwluk ýerlerde bitýän, bogun-bogun uzyn baldagynyň içi gargynyňka garanda inçe deşikli köpýyllyk ösümlik. *Gamşy gowşak tutsaň, eliňi gyýar* (Nakyl). *Myrat jan, saňa tüýdüklik gamyş saýlap goýdum* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Şol ösümlikden öýüň täriminiň daşyndan aýlamak üçin örülen serişde. *Öýüň gamşy syryldy*.

◊ **Gamyş ganat bolmak 1)** etenelikden geçip, ýelek çykaryp, ganat baglap ugramak. *Ýaňyja gamyş ganat bolan gögerçin, Uça bilmez güýçli ýeller ösende* (G. Seýitliýew). **2)** *göç.m.* Uçurym bolmak, kemala gelmek, ýetişmek. **Gamyş gulak** ujy çowly, dik gulak, gaýçy gulak. *Bu meýdanda bolsa şu obanyň gara gulak düýeleri, bozbaş goýunlary, dik boýun, gamyş gulak gylýallary ýaýrap gezer ekeni* (N. Pomma). **Gamyş köpri** ýöntem, çalamydar, berk bolmadyk.

**GAMYŞBAG** [gamyşva:ğ], *at.* Öý gamşy örülende ýa-da öý gamşy öýüň daşyna aýlananda, berkitmek üçin ulanylýan inçejik ýüp. *Kim gamyşbaglaryny, kim söýebaglaryny saraşdyrýardy* ("Edebiýat we sungat").

**GAMYŞDAŞ** [gamyşda:ş], *at.* Gamyş örülende, daşyna gamyşbagy saralan, agramlyk üçin asylýan daş.

**GAMYŞLYK**, *at.* Gamşyň köp biten ýeri, giden gamyşly meýdan.

**GAMZA**, *at, kön.s.* Näzli bakyş, näz, kereşme. *Gamza bilen janym alyp, Geler sallana-sallana* (Kätibi).

**GAN** [ga:n], *at.* Esasy damarlar arkaly bedeniň ähli ýerine aýlanyp, ähli öýjüklerini iýmitlendirýän gyzyl reňkli suwuklyk.

◊ **Gan aglamak (ýyglamak, eňremek)** ýanyp-bişmek, jibrinmek, gözýaş etmek, zeýrenmek. *Gardaşlar, syrdaşlar, ýakynlar, ýatlar, Gara geýip, gan ýyglaşdy diýdiler* (Magtymguly). **Gan algyly** gany ýerine saljak bolýan, hun algyly, öldürilen hossarynyň ýerine gan algysy bar bolan. **Gan almak 1)** bedeniň belli bir damaryndan çirtip gan çykarmak. *Goluňdan gan aldyrmak.* **2)** köne däp-dessur boýunça, öldürilen adama derek ganhoryň ýakyn garyndaşlarynyň birini öldürmek, ar almak. **Gan çaýkamak** gyrgynçylyk etmek, gan dökmek. **Gan dökmek** uruş, söweş etmek, jan alyp, jan bermek. **Gan gagşatmak** ýerliksiz azgyrylyp, gaharlanyp özüňe garaşly adamlary horlamak. **Gan gusmak** *ser.* **Gan ýuwutmak**. **Gan öýmek** teniň urlan, gapjalan ýerine gan ýygnanyp gögermek. *Ol gaharly gygyranda, aksowult ýüzüne gan öýen ýaly boldy* (B. Hudaýnazarow). **Gany depesine (beýnisine, kellesine (inmek)) urmak** güýçli gaharlanmak, gazaba münmek. *Gahar-gazapdan gyzan gany depesine urdy.* **Gany gaçmak** gorkmaklyk, ysgynsyzlyk we ş.m. zerarly reňki agarmak, ak tam bolmak, gan-pet galmazlyk. *Onuň ýüzüniň gany gaçdy* (N. Jumaýew). **Gany gaçyk** gan-peti ýok, ysgynsyz,

keselbent, ýüzi ak tam. **Gany gatamak** gaty suwsamak, tebsiremek. *Çerkez näçe gyssansa-da, taýharynyň ganynyň gatanyny aňlany üçin, oňa suw içmäge maý berdi* (B. Kerbabaýew). **Ganyna galmak** birini öldürmek, ganhor bolmak. **Ganyna siňmek** aňyňa berk ornaşmak, berk girmek, düşünjäňde ýer almak. **Ganyny gaçyrmak** gahardan ýaňa ýüzüňi ak tam etmek, gaty gaharyň gelmek, gazaplanmak. *Ertesi ir bilen Nepes ganyny gaçyryp, bize geldi* ("Edebiýat we sungat"). **Ganyny geçmek (ötmek)** gandaryň günäsini geçmek, gan algyňy bagyşlamak; öldürmegi goýbolsun etmek. *Men indi agamyň ganyny ötdüm* ("Görogly"). **Ganyny içmek (sormak) 1)** janyny almak, öldürmek. *Jellat gelse, ganyň içer, Geýen donuň kepen biçer* (Talyby). **2)** göç.m. biriniň daban azabyny gemirmek; ezmek. **Ganyň gyzmak (gaýnamak)** gaharyň gelmek, janyň ýanmak, gazaplanmak. **Gan ysy gelmek** soňy ölüm howply, hatarly, gorkuly ýagdaý döremek. *Ýeri, oglan, bu nä äsgermezlik? Bu boluşdan gan ysy gelýär-le* ("Edebiýat we sungat"). **Gany ýerde galmazlyk** gan ýerine gan almaklyk, gany köýmezlik. *Ýerde galmaz doganlarmyzyň gany* (A. Atajanow). **Gan ýaly 1)** ýyly, sowuk däl. *Şerbet sowukmy? Ýok, içer ýaly däl, gan ýaly.* **2)** gaty gyzyl, gyp-gyzyl. **Gan ýuwutdyrmak** hupbat baryny çekdirmek, ezýet görkezmek, ejir çekdirmek, horlamak. *Mesele şeýle anyk goýulsa-da, ony durmuşa geçirmek oňa gan ýuwutdyrdy* (B. Öwezow). **Gan ýuwutmak** hupbat baryny çekmek, ezýet görmek, ejir çekmek. *Gaýry Watan tutar boldum, Gara ganlar ýutar boldum* ("Hüýrlukga – Hemra"). **Gan ýylysy bolmak** çala ýylysy bolmak (çaý, suw we ş.m. hakynda).

**GANAGAN** [ga:nağan], *syp.* Gan akagan, gany köp gidegen, gany durmazak, ganagyç. *Burny ganagan çagajyk. Ganagan ýara.*

**GANAGYÇ** [ga:nağyç], *syp.,ser.* **Ganagan**.

**GANAKAR** [ga:nakar], *at.* Hanjaryň, gamanyň tygynyň ýüzündäki çyzmyk oý.

**GANALGA** [ganalğa]: **ganalga bermezlik** päsgel bermek, bökdenç bolmak, maý bermezlik. *Bagyşlaň, ganalga bermedimmi men? "Ýok, ganalga däl-de, ganat berdiňiz"* (B. Hudaýnazarow).

**GANAMA** [ga:nama], *iş ady.* Ganamak ýagdaýy.

**GANAMAK** [ga:namak], *işl.* Gan çykmak, gan akmak, gan gitmek. *Ýetimiň agzy aşa ýetende, burny ganar* (Nakyl).

**GANAMAKLYK** [ga:namaklyk], *iş ady.* Ganamak ýagdaýy.

**GANAR**, *at.* Irimçik dokalan matadan edilýän uly halta.

**GANAT** [ga:nat], *at.* **1**. Käbir jandarlaryň iki gapdalyndaky uçmak üçin hyzmat edýän agzasy. *Ganaty bar, gany ýok* (Matal). **2**. Haly gölüniň içindäki guş nagşynyň ganata meňzeş bölegi. *Hala guşuň ganatyny çitmek.* **3**. Uçaryň iki gapdala uzalyp gidýän bölegi. *Uçaryň ganaty.* **4**. Öýüň täriminiň bir bölegi; jaýyň bir tarapyndaky diwar. **5**. *göç.m.* Daýanç, galkynmagyna itergi beriji güýç.

◊ **Ganat astyna almak** hemaýat etmek, hossarlyk, howandarlyk etmek, goldamak. **Ganat aşagynda (astynda) saklamak (gizlemek)** *ser.* **Ganat aşagyna (astyna) almak**. *Biz ulalyp kemala gelýänçäk, sen bizi ganatyň aşagynda sakladyň!* **Ganat baglamak (beklemek)** göwnüň göterilmek, ruhlanmak, şatlanmak. **Ganat bermek** göwnüni götermek, ruhlandyrmak, şatlandyrmak. *Uzak wagtyň baslygyp ýatan hyjuw-höwesi aşyklaryň gollaryna kuwwat, ruhlaryna ganat berýärdi* (G. Kulyýew). *Bu günki dörän duýgy Aýsoltany ganatlandyrdy* (B. Kerbabaýew). **Ganat germek 1)** eziz görüp, bar güýjüni şolara gowy seretmäge bagyş etmek, kökenek bolmak. *Ol ýaşajyk çagalarynyň üstünde ganat gerýärdi.* **2)** erkana ýaýnamak, göwün ýüwürtmek. *Ol hyýalynda gökde ganat gerýärdi*. **Ganatyny gyrmak** birini bir zada bolan meýlinden, höwesinden mahrum etmek.

**GANATLANDYRMAK** [ga:natlannyrmak], *işl.* Begendirmek, şatlandyrmak, ruhlandyrmak. *Toý, dabara adamlary ganatlandyrýar.*

**GANATLANMA** [ga:natlanma], *iş ady.* Ganatlanmak ýagdaýy.

**GANATLANMAK** [ga:natlanmak], *işl.* **1**. Ganat baglamak, ganat çykarmak (mör-möjekler, guşlar hakynda). **2**. *göç.m.* Ganat baglamak, şatlanmak, ruhlanmak. *Ol hoş söze ganatlandy.*

**GANATLANMAKLYK** [ga:natlanmaklyk], *iş ady.* Ganatlanmak ýagdaýy.

**GANATLANMAZLYK**, *iş ady.* Ganatlanmak işi amal edilmezlik, ganat baglamazlyk.

**GANATLANYŞ** [ga:natlanyş], *iş ady.* Ganatlanmak ýagdaýy.

**GANATLY** [ga:natly], *syp.* Ganaty bar bolan. *Ganatly garynja.*

◊ **Ganatly sözler (aňlatmalar)** dilden-dile geçip, giňden ulanylýan, ýörgünli, durnukly, parasatly, ötgür, çeper sözler, aňlatmalar.

**GANATMAK**, *işl.* Gan çykarmak, ýaradan gan akdyrmak, teniň bir ýerini dyrmap, gan çykar ýaly etmek. *Ýarany dyrmap ganatmak.*

**GANAW** [ganow], *at.* Sil suwuny ýa-da güýçli suwy bir ýana sowmak üçin gazylan uly ýap; jar.

**GANAWUZ** [ganowuz], *at.* Erşi gyzyl, argajy gök, elde dokalýan ýuka ýüpek mata. *Sen ojagaz ganawuzyňy çykar-da, kendir köýnegiň, kendir jalbaryň bilen kendir ädigiňi geý* (B. Kerbabaýew).

**GANAÝYŞ** [ga:naýyş], *iş ady.* Ganamak ýagdaýy.

**GANÇÖP** [ga:nçöp], *at, ösüml.d.* Demrew oty.

**GANDAL** [gannal], *at.* Tussagyň aýagyna ýa-da eline salynýan gulply zynjyr.

**GANDALA** [gannala], *at.* Malyň ganyny sorýan möjejik.

**GANDALLAMA** [gannallama], *iş ady.* Gandallamak ýagdaýy.

**GANDALLAMAK** [gannallamak], *işl.* Gandal salmak, gandal bilen el-aýagyny baglamak.

**GANDALLAMAKLYK** [gannallamaklyk], *iş ady.* Gandallamak ýagdaýy.

**GANDALLAMAZLYK** [gannallamazlyk], *iş ady.* Gandal salmazlyk, gandal urmazlyk.

**GANDALLANMAK** [gannallanmak], *işl.* El-aýagyna gandal salynmak.

**GANDALLATDYRMAK** [gannallatdyrmak], *işl.* El-aýagyna gandal saldyrtmak.

**GANDALLATMAK** [gannallatmak], *işl.* El-aýagyna gandal saldyrmak, gandal salyp baglatmak.

**GANDALLAÝYŞ** [gannallaýyş], *iş ady.* Gandallamak ýagdaýy.

**GANDA-PYÇAK** [ga:nna-pyçak]: **ganda-pyçak bolmak** ýakalaşmak, uruşmak, agzala bolmak, dawalaşmak, jenjelleşmek.

**GANDAR** [ga:nna:r], *syp.* Adam öldüren, adam ganyna galan.

**GANDARLYK** [ga:nna:rlyk], *at.* Gandar bolmaklyk, adam ganyna galmaklyk, gandar bolmak ýagdaýy. *Indi düşenok küýüne, Ne gandarlyk, ne-de ölüm* (Ç. Aşyr).

**GANDEPER** [ga:nneper], *at.* Köki miweliler maşgalasyndan bolan, köki gaýnadylyp, gyzamyga derman edilýän ownuk çal ýaprakly ösümlik.

**GANDÖKÜŞIKLI** [ga:nnöküşüklü], *syp.* Köp ölüm-ýitimli, gyrgynçylykly.

**GANDÜŞER** [ga:nnüşör], *at.* Ýedi arka aýlanmadyk, ýakyn garyndaş, ganybir garyndaş, hossar. *Ikimiz gandüşer garyndaşdyrys ahyry, şeýle dälmi?* (A. Gowşudow).

**GANDYM** [gannym], *at.* **1**. Gumda bitýän maýda pürli, gür şahaly gyrymsy agaç. **2**. Oglana dakylýan at.

**GANDYMLYK** [gannymlyk], *at.* Gandymyň köp biten ýeri, gandymyň köp ýeri. *Biziň düşen ýerimiz gandymlykdy.*

**GANDYRMAK** [ga:nnyrmak], *işl.* **1**. Suwsuzlygyny, teşneligini kanagatlandyrmak, suwdan doýurmak. **2**. *göç.m.* Bir zada bolan islegini kanagatlandyrmak, lezzet bermek, dokundyrmak. *Eýse onda gazal-pazal bilenem ýürek gandyrsa boljag-ow!* (G. Kulyýew). **3**. *göç.m.* Kimdir birini doly ynandyrmak, yrylmak katdyna ýetýänçä oňa bir zat hakyndaky pikiriňi aýtmak, birine gep bermek, ýalan-ýaşyryk gürrüňden doýurmak, içirmek (kinaýa äheňli söz). *Onuň yňdarmadygyny näçe bilse-de, onuň göwnüne zat getirmezlik üçin gandyrmaga çalyşdy* (B. Kerbabaýew).

**GANDYRYLMAK** [ga:nnyrylmak], *işl.* **1**. Suwsuzlygy, teşneligi kanagatlandyrylmak, suwdan mazaly doýrulmak, ganýança içirilmek. *Mallar suwdan gandyrylyp, ýene meýdana sürüldi.* **2**. Gep bilen aňyna-ruhuna täsir edilip uýdurylmak.

**GANDYZ** [gannyz], *at.* At, it we ş.m. haýwanlaryň art aýagynyň iç ýüzi, ýamyz. *Ýabysy samana dyzanda, onuň gandyzyna bir gamçy çalyp, başyny gatyrak silkdi* (B. Kerbabaýew).

**GANDYZLAMA** [gannyzlama], *iş ady.* Gandyzlamak ýagdaýy.

**GANDYZLAMAK** [gannyzlamak], *işl.* Gandyzyna urmak, gandyzyna urup sürmek. *Seredýän nokadam ýadyna düşmän, Atyn gandyzlady, öňi beýikdi* (A. Atajanow).

**GANDYZLAMAKLYK** [gannyzlamaklyk], *iş ady.* Gandyzlamak usuly.

**GANDYZLANMAK** [gannyzlanmak], *işl.* Gandyzyna urulmak, gandyzyna urlup sürülmek. *Gandyzlanan atlar tozan turuzdy* (B. Kerbabaýew).

**GANDYZLAÝYŞ** [gannyzlaýyş], *iş ady.* Gandyzlamak ýagdaýy.

**GAN-GABARÇYK** [ga:n-ğa:varçyk]: **gan-gabarçyk bolmak** gabarçyk-gabarçyk bolmak, gan öýüp sypjyrylmak, pakgaryp ýara bolmak. **Gan-gabarçyk etmek** gabarçyk-gabarçyk etmek, gan öýdürip sypjyrtmak, pakgardyp ýara etmek. *Piliň sapy elimi gan-gabarçyk etdi.*

**GANGYN** [ga:nğyn], *syp.* **1**. Suwdan ganýança içen, ganan. **2**. *göç.m.* Bizar bolan, iren, irgin, doýgun. *Men-ä şu gürrüňden gangyn.*

**GANHOR** [ga:nho:r], *syp.* Adam ganyna galan, gan içen, nähak gan döken.

**GANHORLYK** [ga:nho:rluk], *at.* Ganhor bolmaklyk, köp nähak gan dökmeklik. *Onuň ganhorlygy ile öňräk mälim bolupdy.*

**GANJARMA** [ga:njarma], *iş ady.* Ganjarmak ýagdaýy.

**GANJARMAK** [ga:njarmak], *işl.* Sähelçe gan çykmak, gan görünmek.

**GANJARMAKLYK** [ga:njarmaklyk], *iş ady.* Ganjarmak ýagdaýy.

**GANJARMAZLYK** [ga:njarmazlyk], *iş ady.* Ganjaryp durmazlyk, gan görünmezlik.

**GANJARTMAK** [ga:njartmak], *işl.* Çala ganatmak, gan çykarmak. *Ýarany dyrnaçaklap ganjartmak.*

**GANJARYŞ** [ga:njaryş], *iş ady.* Ganjarmak ýagdaýy.

**GANJARYŞMAK**, [ga:njaryşmak], *işl.* **1**. Köp ýerden gan çykyşyp durmak, ganaşyp durmak. *Elleriň ýaralary ganjaryşyp durdy.* **2**. *göç.m.* Sowuk ýaragly uruşmak. *Olar tas ganjaryşypdylar* (G. Gurbansähedow).

**GANJYGA** [ganjyğa], *at.* Eýeriň yzynda bökdergini daňmak üçin eýere halka bilen berkidilen bag, ýüp.

**GANJYK**, *at.* Urkaçy it. *Bir çopanyň ýarak, goýunçy, ýürekli bir ganjygy bardy* (B. Annageldiýew).

**GAN-KOK** [ga:n-kok], *at.* Bir zadyň ýüzüne degen gan ýoky, hapa bilen bulaşan ganly çyrşak, ganly tegmil. *– Derrew düzederis, bularyň gany-koky bildirmez ýaly ederis* (A. Gowşudow).

**GANLY** [ga:nly], *syp.* **1**. Gany bar, gansyz däl. *Çölde gezen işşegiň etinden bişirilen ganly çorbany iýiberseň, derrew daýanarsyň*. **2**. Gan ýokan, gana bulaşan. *Ganly ýaglyk.* **2**. Gan gatyşykly. *Ganly içgeçme. Ganly iriň. Ganly gakylyk gelme.* **3**. *k.d.* Gan bergili, gandar. *Ganly bolsa, geç ganyndan, Bir garyp myhman ýigide* (Magtymguly). **4**. *göç.m.* Ölüm-ýitimli, gandöküşikli. *Ganly ýekşenbe.*

**GANLYLYK** [ga:nlylyk], *at.* **1**. Gany barlyk, gansyz dällik, ganly bolmaklyk. **2**. Gan bergililik, gandarlyk. *Ganlylyk ýagdaýynda bolmak.*

**GANMA** [ga:nma], *iş ady.* Ganmak ýagdaýy. *Her halda ýaşamak gyzykly örän, Näçe ýaşa, Ýaşamadan ganma ýok* (G.Ezizow).

**GANMAK** [ga:nmak], *işl.* **1**. Suwsuzlygy, teşneligi kanagatlandyrmak. *Suwdan ganmak. Çaýdan ganmak.* **2**. *göç.m.* Bir zada bolan islegiňi kanagatlandyrmak, doýmak, dokunmak. *Ukudan ganmak. Çaganyň mährinden ganmak.*

**GANMAKLYK** [ga:nmaklyk], *iş ady.* Ganmak ýagdaýy, derejesi.

**GANMAZLYK** [ga:nmazlyk], *işl.* Ganmak derejesine ýetmezlik, ganyp bilmezlik, suw, çaý teşneligiňi kanagatlandyrmazlyk. *Ganar ýerde ganman, çaý içmek.*

**GANOJAK** [ga:no:jak], *at.* **1**. Ganhor. **2**. Uruşdan, jenjelden gaýtmaýan, ejize ganym, gözi gyzaran adam. *Ol bir tüýs ganojakdy, özüniň gepini gögertmän goýmaýardy* (A. Durdyýew).

**GAN-PET** [ga:n-pet], *at.* Adamyň ýüzüniň ganynyň gaçan, soluk ýagdaýyny aňladýan tirkeş söz. *Aýnagözel ejäniň ýüzünde gan-petden nam-nyşan ýokdy* (N. Baýramow).

**GANSYZ** [ga:nsyz], *syp.* **1**. Gany ýok, ganly däl, gan degmedik, gan ýokmadyk. *Gansyz hasa.* **2**. Gany az, gany gaçyk, reňki öçük. *Ol gansyz dodaklaryny müňküldetdi.* **3**. Ölüm-ýitimsiz, ölümsiz.

**GANSYZ-HUNSUZ** [ga:nsyz-hu:nsuz], *syp., ser.* **Gansyz**. *Näme siz uruş ölümsiz-ýitimsiz, gansyz-hunsuz bolar öýdýärmisiňiz?* (A. Gowşudow).

**GANSYZLYK** [ga:nsyzlyk], *at.* **1**. Gany ýokluk, ganly dällik. **2**. Az ganlylyk, reňki öçüklik, gany gaçyklyk.

**GANT**, *at.* Şeker çiňriginden, şugundyryň we gamşyň aýratyn görnüşinden öndürilýän ak, ýokumly, süýji tagamly önüm.

**GANTDAN** [gantda:n], *at.* Süýji, gant, şeker salynýan gap, süýji gaby. *Gantdany süýjüden doldurmak.*

**GANY** [gany:], *syp.,k. d.* Baý, gurply, mal-mülkli. *Gany sen, saňa ýok hiç närse hajat* (Abdysetdar Kazy).

**GANYBIR** [ga:nyvi:r], *syp.* Ýakyn, bir nesilden bolan. *Gidere ýeri bolmaz, ady başga-da bolsa, ganybir saryndaşdyr* ("Edebiýat we sungat").

**GANYGYZGYN** [ga:nyğyzğyn], *syp.* Gyzma, gaharjaň, gahary gelegen. *Ol ganygyzgyn ýigit*.

**GANYGYZGYNLYK** [ga:nyğyzğynlyk], *at.* Ganygyzgyn halda bolmaklyk. *– Sen birden ganygyzgynlyk bilen bir iş edäýmegin – diýdi* (G. Kulyýew).

**GANYM** [gany:m], *at.* **1**. Duşman, ýagy. *Ýowuz ýerden ganym ýüzbe-ýüz gelse, Yzyn dönmez, namart gaçar, mert galar* (Zelili). **2**. *syp.* Zalym. *Ejize ganym adam. Ganym duşman*.

**GANYMAT** [gany:mat], *syp.* **1**. Ýaman däl, hiç neneň däl, oňat, ýagşy. *Onuň adamçylygy ganymat eken.* **2**. Saglygy ýagşylaşan. *Biraz ganymat bolansoň, Meredi, "Tiz kömegiň" ýumşak maşynynda ynjytman, şähere alyp gaýtdylar* (B. Pürliýew).

**GANYMATLAŞMA** [gany:matlaşma], *iş ady.* Ganymat boluş ýagdaýy.

**GANYMATLAŞMAK** [gany:matlaşmak], *işl.* **1**. Öňki ýagdaýdan gowulaşmak, birneme oňatlaşmak, ýagşy bolup başlamak. *Şondan soň burawyň ýagdaýy birneme ganymatlaşdy* (Ş. Borjakow). **2**. Bäri bakmak, gutulyp başlamak, açylyşmak, saglygy kadaly ýagdaýa gelip ugramak (näsag, syrkaw hakynda). *Lukmana görkezileli bäri onuň ganymatlaşany bildirýärdi.*

**GANYMATLAŞMAKLYK** [gany:matlaşmaklyk], *iş ady.* Ganymatlaşmak ýagdaýy.

**GANYMATLAŞYŞ** [gany:matlaşyş], *iş ady.* Ganymatlaşmak ýagdaýy.

**GANYŞ** [ga:nyş], *iş ady.* Ganmak ýagdaýy.

**GANYŞMAK** [ga:nyşmak], *işl.* **1**. Suw, çaý içmek islegiň galyşmak. *Çaýdan-suwdan ganyşdyňmy?* ("Görogly"). **2**. *göç.m.* Bir zada bolan islegiň ýatyşmak. *Teşne ýürekler ganyşdy.*

**GANÝAŞ** [ga:nýa:ş], *at.* Baldagynyň suwy, şiresi, gyzyl reňkli, arpagana meňzeş birýyllyk ot.

**GAŇŇA**, *at.* Münmek we ýük urmak üçin eşegiň arkasyna salynýan eýer kysmy agaç esbap.

◊ **Gaňňaňy garnyňa almak** kesirlik etmek, keçlige tutmak, gyşarylmak, jedelleşmek. *Matlabyňy*

*aýt, ýogsa-da, gaňňaňy garnyňa alma* (B. Öwezow). **Gaňňaňy gyşartmak** *ser.* **Gaňňaňy garnyňa almak**.

**GAŇŇALAMA**, *iş ady.* Gaňňalamak ýagdaýy.

**GAŇŇALAMAK**, *işl.* Eşegiň üstüne gaňňa salmak. *Ol eşegini gaňňalap ýola düşdi*.

**GAŇŇALAMAKLYK**, *iş ady.* Gaňňalamak täri.

**GAŇŇALAMAZLYK**, *iş ady.* Eşegiň üstüne gaňňa salmazlyk.

**GAŇŇALANMAK**, *işl.* Eşegiň üstüne gaňňa salynmak, gaňňa baglanmak.

**GAŇŇALAŞMAK**, *işl.* **1**. Gaňňalamaga kömek etmek, gaňňa salyşmak. *Aksakgal ýaşula eşegini gaňňalaşdym*. **2**. Birnäçe eşegi gaňňalamak işini bilelikde bir wagtyň içinde ýerine ýetirmek (*gaňňalaşmak* işliginden soň *durmak* işligi getirilip ulanylýar). *Oglanlar eşeklerini gaňňalaşyp durdular*.

**GAŇŇALATDYRMAK**, *işl., ser.* **Gaňňalatmak**.

**GAŇŇALATMAK**, *işl.* **1**. Eşegi gaňňalamak işini başga birine etdirmek. *Atasy eşegini agtygyna gaňňalatdy*. **2**. Gaňňalamaga ýol bermek, mümkinçilik döretmek. *– Ata, eşegi maňa gaňňalatsana!*

**GAŇŇALAÝYŞ**, *iş ady.* Gaňňalamak ýagdaýy.

**GAŇRAK**, *at.* **1**. Dowaryň aýagyndan ýa-da boýnundan tutmak üçin ujy gaňtarylan ýa-da ujy toýnukly uzyn taýak; gergenek. *Ýaş oglanlar agyldan eneleri bilen çykan guzulary gaňraklary bilen tutup, alyp gelýärdiler*. **2**. Goçak nagşyna meňzeş, gaňtarylan, uçlary çowlurak nagyş.

**GAŇRAKBAŞ** [gaňrakbaş], *at, ser.* **Gatybaş**.

**GAŇRYLMAK**, *işl.* **1**. Bir gapdala egilmek, egrelmek, tersine towlanmak. **2**. Boýnuňy yza öwürmek, kelläňi yza aýlap seretmek. *Gaýdyp ol yzyna-da gaňrylmady, ädiminem ýuwaşatmady* ("Edebiýat we sungat").

**GAŇRYŞ**, *iş ady.* Gaňyrmak ýagdaýy.

**GAŇRYŞMAK**, *işl.* Gaňyrmaga kömek etmek.

**GAŇRYŞYNA** [gaňyrşyna/gaňryşyna]: **gaňryşyna gaýtmak** garşy bolmak, kejine gaýtmak, tersine gitmek. *Göwnaçyklyk bilen gürrüň berip oturan adamlaryň gaňryşyna gaýtmak islemedi* (A. Gowşudow).

**GAŇŞYRAWUK** [gaňşyrowuk], *at.* Seňrigiň iç ýüzündäki kekirdewük, ýumşak kekirdewük. *Oka-ra-okara agaran içeňde gaňşyrawugyňy tütedýän gorly çal Amanyň agzyna has-da ýakymlyrak degýärdi* (B. Kerbabaýew).

**GAŇTARMA**, *iş ady.* Gaňtarmak ýagdaýy.

**GAŇTARMAK**, *at.* **1**. Bir zadyň ujuny gaňyrçak etmek, tersine egmek; yzyna gaýtarmak, tersine ýatyrmak. *Simiň uçlaryny gaňtarmak.* **2**. Atyň uýanyny kellesini aşak egmez ýaly edip, eýere baglamak. *Atyň aňyrsyna geçip, uýanyny gaňtaryp, atyň ýallaryny düzedişdiren boldy* (A. Durdyýew).

**GAŇTARMAKLYK**, *iş ady.* Gaňtarmak ýagdaýy.

**GAŇTARMAZLYK**, *iş ady.* Gaňtarmak işini ýerine ýetirmezlik, amal etmezlik.

**GAŇTARYLMAK**, *işl.* **1**. Bir zadyň ujy gaňyrçak edilmek, tersine egilmek, yzyna gaýtarylmak, tersine ýatyrylmak. *Ol çüýlerden gaňtarylyp edilen asawaçdan eşigini asdy*. **2**. At kellesini aşak egmez ýaly onuň uýany eýere baglanmak. *Howlynyň daşy, bagyň içi adamlardan, gaňtarylyp goýlan atlardan doludy* (B. Seýtäkow).

**GAŇYL**, *at.* Haýwanlaryň bedeniniň süňkden durýan esasy.

◊ **Gaňyl ýaly bolmak** eti dökülip horlanmak.

**GAŇYRÇAK**, *at.* **1**. Bir zadyň ujunyň gaňtarylan ýeri, asawajyň ýarym aýlaw, gaňtarylan uçlary. *Geýim-gejim asar ýaly çüýden gaňyrçak hem edipdirler* (N. Pomma). **2**. "S" harpyna meňzedilip salynýan nagyş we onuň ady.

**GAŇYRMA**, *iş ady.* **1**. Gaňyrmak ýagdaýy. **2**. Göreşiň bir tilsimi.

◊ **Gaňyrmany salmak** birinden güýç bilen, güýç görkezip, öz zadyňy almak, gaňryp almak.

**GAŇYRMAK**, *işl.* Bir ýana ýatyrjak ýa-da döwjek bolup tersine egmek, tersine gaňtarmak, towlamak, burmak.

◊ **Gaňryp almak** zor bilen almak, güýç bilen almak.

**GAŇYRMAKLYK**, *iş ady.* Gaňyrmak ýagdaýy.

**GAŇYRMAZLYK**, *iş ady.* Gaňyrmak işini amal etmezlik, ýerine ýetirmezlik.

**GAŇYRTMAK**, *işl.* Bir ýan tarapyna egdirmek, tersine towlatmak. *Elini arkasyna gaňyrtmak. Boýnuny gaňyrtmak. Jöwen başlaryny gaňyrtmak.*

**GAP** [ga:p], *at.* **1**. Içine suwuklyk guýmak, zat salmak üçin dürli görnüşdäki zat (halta, jam, çuwal, banka, we ş.m. zatlar). **2**. Bir zat üçin ýörite edilen daşlyk, guty. *Dutaryň gaby. Dürbiniň gaby. Äýnegiň gaby.* **3**. Deň mukdarda gaplanan bir meňzeş zatlar. *Iki gap çaý.*

**GAP I**: **gap (biline) bilinden** bir zadyň boýunyň ortasy, orta bili. *Hoşgeldi depäniň gap biline batly urýan suwuň joşmagynyň soňky hetdine baranyny bir ýowşan düýbünden ölçeg tutup kesgitledi* (A. Gowşudow). *Pürs gap bilinden jaýrylypdyr. Güýçli ýele gögerip oturan agaç gap bilinden döwlüpdir. Suw gap biliňden bolmak.*

**GAP II**: käbir sözleriň öňünden gelen güýçlendiriji ownuk bölek. *Gap-gara saç. Gap-garaňky gije.*

**GAPAGAN** [gapağan], *syp., ser.* **Gapak II**.

**GAPAK I,** *at.* **1**. Gap-gaçlaryň ýa-da käbir zatlaryň agzyna ýapylýan agyzýapy. **2**. Hamyr ýaýmak üçin üsti düz ýasy tagta. *Çelpek ýaýýanlaryň her biriniň öňünde bir gapak bardy.* **3**. Gyjak ýa-da dutar kädisiniň agzyna ýelmenen ýukajyk ham ýa-da tagta. *Dutaryň gapagyny daglap, perdesini baglady, kirşini sazlap, gulaklaryny towlady* ("Nejep oglan").

◊ **Gapak baglamak** ekilen ekiniň ýagyş ýagansoň üstünde gatan toprak gatlagy emele gelmek, gapaklamak.

**GAPAK II**, *syp.* Agyz salagan, dişlek. *Gapak düýe.*

**GAPAKLAMA**, *iş ady.* Gapaklamak ýagdaýy.

**GAPAKLAMAK**, *işl.* **1**. Gazanyň we ş.m. agzy açyk gaplaryň agzyny gapak bilen ýapmak, gaparmak. **2**. Dutaryň, gyjagyň kädisiniň agzyna gapak ýelmemek, gapak etmek. *Dutaryň kädisini gapaklamak.* **3**. Ýagyş ýagandan soň, ekilen ýeriň ýüzünde gaty gatlak emele gelmek, ýüzi gatamak. *Gämigiň düýbi gapaklanda, ony ýumşatmaly.*

**GAPAKLAMAKLYK**, *iş ady.* Gapaklamak ýagdaýy.

**GAPAKLAMAZLYK**, *iş ady.* **1**. Gapak bilen ýapmazlyk, gaparmazlyk. *Entek gazanlary gapaklamok*. **2**. Gapagyny ýerine berkitmezlik. **3**. Gaty gatlak emele gelmezlik. *Ýer çägesöw bolansoň, gowaçalaryň arasy gapaklamandyr*.

**GAPAKLANMAK**, *işl.* **1**. Agzy gapak bilen ýapylmak, gapak bilen berkidilmek. **2**. Dutaryň kädisiniň agzyna gapak ýelmenmek, gapak edilmek. *Dutar gapaklandy.*

**GAPAKLATDYRMAK**, *işl.* **1**. Gapak ýapdyrtmak. **2**. Dutaryň kädisiniň agzyna gapak ýelmetdirmek, gapak etdirmek. *Dutary gapaklatdyrmak.*

**GAPAKLATMAK**, *işl.* **1**. Gapak bilen agzyny ýapdyrmak, gapak gapartmak. **2**. Dutaryň kädisiniň agzyna gapak goýdurmak. *Dutarymy gapaklatdym.* **3**. Ekilen ýeriň ýa-da gämigiň düýbünde gapak emele gelmegine sebäp bolmak. *Ilkinji suwda joýalaryň arasyny suw alyp, topragy gapakladany üçin, olaryň düýbüni ýumşadyşdyrdy* (N. Esenmyradow).

**GAPAKLAÝYŞ**, *iş ady.* Gapaklamak ýagdaýy.

**GAPAN I,** *at.* Çöl haýwanlaryny, jandarlaryny tutmak üçin ýörite ýasalan tilsimli enjam.

◊ **Gapana düşmek 1**) towşan, tilki ýaly çöl haýwanlary gurlan gapan tarapyndan tutulmak. **2**) aldawa düşmek, aldanmak, tutulmak. *Belki bir köpbilmişiň pirimine aldanyp gapana düşendir* (G. Gurbansähedow). **Gapana mündürmek** eýlesini-beýlesini ölçermek, amatly tarapyny gözlemek; agramyny saldarlap, barlap görmek. **Gapan gurmak 1**) çöl haýwanlary tutulýan gapany buljum ýerde gurup goýmak. **2**) aldawa salmak, hile etmek, aldamak. **Gapan keçesi** *ser.* **Gapankeçe**. **Ýüzüni gapan keçesi ýaly etmek** aýdylan sözi ýüzüne almazlyk, aýdylan söz täsir etmezlik. *Oňa näme diýeniň parhy ýok, ýüzüni gapan keçesi ýaly edip dur*.

**GAPAN II**, *at.* Agyr hem uly zatlary çekmek üçin ölçeg guraly, uly ýasy terezi. *Giň howlynyň derwezesinden giren ýeriňde iki sany çekim gapany durýardy* (A. Gowşudow).

**GAPAN III**, *at, gepl.d.* Ýabany doňuz, ýekegapan.

**GAPANÇY**, *at.* Gapanyň çekimçisi.

**GAPANKEÇE**, *at.* Aw gapanynyň aşaky tegelek demriniň içine tutulýan keçe bölegi.

**GAPARMAK**, *işl.,gepl.d.* Bir gaby başga bir gabyň üstüne düňdermek, ýapmak, gap bilen agzyny jebislemek. *Gazana jam gaparmak.*

**GAP-BIL** [gapbi:l], *at. Bir zadyň uzynlygynyň ortarasy, orta bil. Ýabyň suwy gap-bilinden boldy.*

**GAPBÖWÜR** [ga:pböwür], *at.* Öýüň, otagyň gap-gaç goýulýan tarapy, aýal maşgalanyň oturýan tarapy. *Öýüň gapböwründäki gorly küýze täze gaýdyp gelen gelin ýaly, bürenip otyrdy* (B. Kerbabaýew).

**GAP-ÇANAK** [ga:p-ça:nak], *at, ser.* **Gap-gaç**.

**GAPDAL**, *at,* **1**. Duran zadyň çep ýa-da sag tarapynyň golaý ýany. *Onuň şol duran ýeriniň gapdaly ýapgyt bolup, şol ýerde bir köneje gaýyk düňderilgi ýatyrdy* (B. Kerbabaýew). **2**. Adam bedeniniň ýany, ýan tarapy. *Hernä ýüzüm-gözüm degmän, gapdalym degdi* (A. Gowşudow). **3**. Tarap, ugur, ýan. *Şu gapdaldan bir atly gelýär.*

**GAPDALLAMAK**, *işl.* **1**. Gapdallaýyn, keseleýin hereket etmek, geçmek. *Zordan gapdallap geçmek.* **2**. *gepl.d.* Gapdaly bilen ýöremek, gitmek, gapdalyna ýetmek. *Ol guzularyny başyna kowup, gyz-gelinlere görünmän, olary gapdallap gelýärdi* (H. Derýaýew).

**GAPDALLAŞMAK**, *işl.* Gapdalyna deňleşmek, birnäçe bolup biri-biriň gapdalyndan ýöremek. *Olar az salym gapdallaşyp ýörediler*.

**GAPDALLAÝYN**, *hal.* Bir gapdalyna, bir ýanyna, ýanyn, bir ýanlaýyn, keseleýin, keseligine.

**GAPDALYNDAN** [gapdalynnan], *sözs. k.* Bir zadyň çep ýa-da sag tarapyndan, ýanyndan.

**GAPDYRMAK**, *işl.* **1**. Oklap howada tutdurmak, oklap ýere düşürtmän aldyrmak. *Agyzla gapdyrma, Toýnakla depdirme* (Halk döredijiliginden). *Gözlerime tüsse gapdyrdym*. **2**. *göç.m.* Agyz saldyrmak, dişletmek.

**GAP-GAÇ** [ga:p-ğa:ç], *at.* Hojalykda ulanylýan her hili gaplar, gap-çanak, gap-gajak.

**GAP-GADYRLY**, *syp.* Has gadyrly, juda gadyrlylyk bilen.

**GAP-GAJAK** [ga:p-ğa:jak], *at, ser.* **Gap-gaç**. *Onuň jaýy, ýorgan-düşegi, gap-gajagy, ýeterlik iýmiti hem bar* (B. Kerbabaýew).

**GAP-GARA**, *syp.* Kömür ýaly gara, örän gara, gaty gara, şar gara, gas-gara. *Gap-gara mata.*

**GAP-GARAŇKY**, *at.* Gaty garaňky. *Ýanan otluçöp sönende, Gap-garaňky boldy tam* (R. Seýidow).

**GAPGARMA** [ga:pğarma], *iş ady.* Gapgarmak ýagdaýy.

**GAPGARMAK** [ga:pğarmak], *işl.* **1**. Gaba ýerleşdirmek, gabyň içine salmak. *Ganara gapgarmak.*

2. *gepl.d.* Iýmek, hemmesini iýmek. *Bir uly kersen garmany garnyna gapgardy* ("Görogly"). 3. Çukur, oý ýere ýykmak, süsdürmek. *Ýene agşamky ýaly ýaba gapgarmyň-nädermiň?* (H. Garabaýew).

**GAPGARMAKLYK** [ga:pğarmaklyk], *iş ady.* Gapgarmak işi, ýagdaýy.

**GAPGARMAZLYK** [ga:pğarmazlyk], *iş ady.* Gapgarmak işini ýerine ýetirmezlik.

**GAPGARTDYRMAK** [ga:pğartdyrmak], *işl.* Başga birine gaba ýerleşdirtmek, gabyň içine saldyrtmak. *Samany ganara gapgartdyrmak*.

**GAPGARTMAK** [ga:pgartmak], *işl.* Gapgarmak işini başga birine etdirmek. *Döwlen samany halta gapgartmak. Bedrä gapgartmak.*

**GAPGARYLMAK** [ga:pğarylmak], *işl.* 1. Gaba ýerleşdirilmek, gaba salynmak. *Saman ganara gapgaryldy. Üýşmek bugdaý çuwallara gapgaryldy.* 2. Bir zadyň içine gaçmak, ýykylmak, agdarylmak. *Aýagy taýyp, taňkyrap ýatan ýaba güpürdäp gapgaryldy* (N. Pomma).

**GAPGARYŞ** [ga:pğaryş], *iş ady.* Gapgarmak ýagdaýy.

**GAPGARYŞDYRMAK** [ga:pğaryşdyrmak], *işl.* Gapgaryp çykmak, gabyň içine salyşdyrmak. *Öý goşlaryny çuwallara gapgaryşdyrmak*.

**GAPGARYŞMAK** [ga:pğaryşmak], *işl.* 1. Gapgarmaga kömek etmek. 2. Bilelikde gapgarmak. *Olar çuwallara bugdaý gapgaryşyp durdular*.

**GAP-GATY**, *at.* Has gaty. *Çörek gap-gaty bolupdyr.*

**GAPJALMAK**, *işl.* 1. Gapjap tutulmak, gysylyp tutulmak. *Serlen geýimleri ýel gaçyrmaz ýaly olar gysgyç bilen gapjalýar.* 2. *gepl.d.* Tutulmak, ele salynmak, saklanmak. *Görünse, gapjaljagyny bilýärdi.*

**GAPJALMAZLYK**, *iş ady.* Gapjalmak işi ýerine ýetirilmezlik, gapjalyp durulmazlyk.

**GAPJAMA**, *iş ady.* Gapjamak ýagdaýy.

**GAPJAMAK**, *işl.* 1. Iki zadyň arasynda gysmak, gysyp tutmak, gapjawaç bilen gysmak. 2. *gepl.d.* Tussag etmek, ele salmak, tutmak.

**GAPJAMAKLYK**, *iş ady.* Gapjamak ýagdaýy.

**GAPJATDYRMAK**, *işl.* Gapjap tutdurtmak.

**GAPJATMAK**, *işl.* 1. Gapjap tutdurmak, arasynda galdyryp, ýaralatmak, agyrtmak. *Eliňi gapa gapjatmak.* 2. *gepl. d.* Tussag etdirmek, ele saldyrmak, tutdurmak.

**GAPJAWAÇ** [gapjowa:ç], *at, ser.* **Gysgyç.**

**GAPJAÝYŞ**, *iş ady.* Gapjamak ýagdaýy.

**GAPJYK**, *at.* Içine pul we ş.m. salyp, ýanyň bilen göterilýän kiçijik gap.

**GAPLAMA** [ga:plama], 1. *iş ady.* Gaplamak ýagdaýy. 2. *at.* Balykdan buglanyp taýýarlanan nahar. 3. *gepl. d.* Et, sogan, tüwi we ş.m. gök önümler garyşdyrylyp, saçda bişirilýän etli çöregiň bir görnüşi.

**GAPLAMAK** [ga:plamak], *işl.* 1. Taýýar önümiň daşyna gap etmek. *Süýjüleri gaplap ibermek.* 2. Tikilen ýorgany, düşekçäni çöwürip, olaryň üstüne pagta, düýe ýüň ýazyp, dört burçuny düýrläp içine salmak. *Ýorgan gaplamak.*

◊ **Gaplap almak** dolmak, gurşamak, ýaýramak. *Daş-töweregi tot-tozan gaplap alypdyr*.

**GAPLAMAKLYK** [ga:plamaklyk], *iş ady.* Gaplamak ýagdaýy.

**GAPLAMAZLYK** [ga:plamazlyk], *iş ady.* Gaplamak işi amal edilmezlik.

**GAPLANMAK** [ga:planmak], *işl.* 1. Gaba salynmak, gaba ýerleşdirilmek. *Köwüşleriň hemmesi gaplandy*. 2. Tikilen ýorgany, düşekçäni çöwürip, olaryň üstüne pagta, düýe ýüň ýazyp, dört burçuny düýrläp içine salmak.*Ýorgan gaplanmak.*

**GAPLAŇ**, *at.* Pişikler maşgalasyna girýän ala, narynç-sary reňkli, ýyrtyjy, wagşy haýwan.

**GAPLAŞDYRMAK** [ga:plaşdyrmak], *işl.* 1. Taýýar önümleri gaplara ýerleşdirmek, salyşdyrmak. *Duz baryny gaplaşdyryp çykdy*. 2. Gaplap çykmak. *Biz ýorgan, düşekçe gaplaşdyrdyk.*

**GAPLAŞMAK** [ga:plaşmak], *işl.* 1. Gaplamaga kömekleşmek. *Ol goňşusyna ýorgan gaplaşdy.* 2. Bile gaplamak. *Gelinler süýjüleri gaplaşyp durdular*.

**GAPLATDYRMAK** [ga:platdyrmak], *işl., ser.* **Gaplatmak**.

**GAPLATMAK** [ga:platmak], *işl.* Gaplamak işini başga birine etdirmek. *Ýorgan gaplatmak. Duz gaplatmak.*

**GAPLAÝYŞ** [ga:plaýyş], *iş ady.* Gaplamak ýagdaýy.

**GAPMA**, *iş ady.* Gapmak ýagdaýy.

**GAPMA-GARŞY** [gapma-ğarşy], *syp.* Biri-birine büs-bütin garşy, ters.

**GAPMA-GARŞYLYK** [gapma-ğarşylyk], *at.* Biri-birine gös-göni garşy bolan ýagdaý.

**GAPMAK I**, *işl.* 1. *kön.s.* Ýapmak. 2. Gözüň öňüni baglamak, gozüň öňüni tutup, görmez ýaly etmek, kör etmek. *Gözüňi gapyp barýan söhle.* 3. Gulagyň öňüni baglap, eşitmez ýaly etmek, ker etmek. *Gaty açylan telewizoryň sesi gulagyňy gapyp barýar.* 4. Dolmak, tutmak. *Gözüne tüsse gapyp, birbada hiç zat görmedi. Bir ýiti zadyň-a ysy bar, içerini gapyp barýar*.

◊ **Sesiňi gapmak** sesiňi kesmek, bes etmek, lal bolmak. *Ol gahary içine sygman: "Gap sesiňi!" diýip gygyrdy*.

**GAPMAK II**, *işl.* 1. Howadaka tutmak, ýere düşürmän eliňe almak, oklanan zady ýere düşmänkä tutmak. *Batly urlan topy gapmak*. 2. Agyz salmak, dişlemek (at, düýe we ş.m. hakynda). *Düýe köşegini*

*gowy görse, hem deper, hem gapar* (Nakyl*)*. **3**. *göç.m.* Iýmek. *Bäş menzilden bedew atlar çapar men, Her menzilde sermes guzy gapar men* ("Görogly").

**GAPMAKLYK**, *iş ady.* Gapmak ýagdaýy.

**GAPY**, *at.* **1**. Jaýa, howla we ş.m. girip çykmak üçin ötelge, girelge, agyz. **2**. Jaýyň, howlynyň agzyna oturdylýan işik. *Gapynyň bir taýy şarkyldap açyldy.* **3**. Jaýyň öňündäki ýer, işigiň öňündäki giňişlik. *Ýerinden galyp gapa çyksa, bir atly abanyp dur* ("Nejep oglan").

◊ **Gapy açmak** biriniň öýüne sözaýdyjy barmak, gudaçylyga barmak. *Nätmeli? Nireden gapy açmaly? Kimiň gapysyndan barmaly?* **Gapy gezmek** gedaýçylyk etmek, gedaý gezmek. *Ol iş tapmadyk mahaly gapy gezerdi.* **Gapy haky** gelin alnanda ýa-da gelin alyp gelnende, gapy tutýana berilýän hak. **Gapy tutmak** gelin alnyp gelnende öýüň işigini açman durmak däbi. *Gapyny tutana halat berdiler.* **Gapy ýaly** daýaw (erkek adam hakynda). *Gapy ýaly ýigit.* **Açyk gapylar syýasaty** ykdysadyýetde daşary ýurtlaryň kärhanalaryna ýurduň içinde goýum goýmaga erkinlik berýän syýasat. **Bir gapydan girip-çykmak** bir öýde bile ýaşamak. **Her gapyda biri** her ýerde biri; örän selçeň. *Kitap-depderleriňem-ä her gapyda biri ýatyr, olar ertir gerek bolmazmyka? Ýere atan çigitleriňem-ä her gapyda biri gögeripdir*.

**GAPYÇY**, *at, gepl.d.* Gapy-gapy aýlanyp ýören, ykmanda, gezegen. *Gapyçynyň garny dok* (Nakyl).

**GAPY-GAPY** [gapy-ğapy], *hal*. Bir gapydan soň beýleki gapa.

◊ **Gapy-gapy aýlanmak** köp gapa aýlanmak, barmak. **Gapy-gapy syrmak** ygyp ýörmek.

**GAPYK**, *syp.* Bagly, ýapyk, petik. *Eşitmän näme gulagyň gapykmy?*

**GAPYL** [ga:pyl], *syp.* Duýdansyz, hiç zatdan habarsyz, ahmallykda, bihabar. *Ganymat bil, gapyl adam pursaty, Murda dek uzanyp ýatyjy bolma* (Magtymguly).

**GAPYLLYK** [ga:pyllyk], *at.* Duýdansyz ýagdaý, habarsyzlyk, ahmallyk, bihabarlyk. *Gije bardy, gündiz barmady aýyk, Gapyllykda harap boldy halaýyk* (Zelili).

**GAPYLMAK I**, *işl., gepl. d.* **1**. Ker bolmak, kör bolmak, bir pursat görmez, eşitmez bolmak (göz, gulak hakynda). *Tozandan ýaňa gözüm gapyldy. Güňleç sesden ýaňa gulagym gapylara geldi*. **2**. Sesini goýmak, sesini kesmek, sem bolmak. *Men size gapylyň diýýärin!* (A. Nazarow).

**GAPYLMAK II,** *işl.* Ýere düşmänkä eliň bilen tutulmak, alynmak. *Yzly-yzyna oklanýan garpyzlar gapylýar*.

**GAPYRGA** [gapyrğa] **I**, *at.* Oňurga süňki bilen döşi birleşdirýän insiz uzyn ýaý görnüşli süňkler.

◊ **Gapyrgasyny sanabermeli** süňkleri görnüp duran, gaty hor, arryk. *Goňşymyzyň gapysyndaky sygrynyň gapyrgasyny sanabermeli.*

**GAPYRGA** [gapyrğa] **II**, *at.* Hala, joraba salynýan kese çyzyklaryň ortasyndan kesip geçýän göni çyzykly, gapyrga meňzeş nagyş.

**GAPYRGA** [gapyrğa] **III**, *at.* Agaçdan gurulýan jaýyň dik sütünlerine keseligine kakylýan arasy açyk tagtalar.

**GAPYRJAK**, *at.* Tagtadan, demirden, galyň kagyzdan we ş.m. zatdan ýasalan dörtburç gap.

**GAPYŞ**, *iş ady.* Gapmak ýagdaýy.

**GAPYŞDYRMAK I,** *işl.* Ýekän-ýekän gapmak, howadaka gapyp çykmak, ýere düşürmän tutuşdyrmak. *Oklanýan toplary ýekän-ýekän gapyşdyrmak.*

**GAPYŞDYRMAK II**, *işl.* **1**. Iki zady biri-birine ýelmeşen ýaly etmek, ýemşerdip birleşdirmek. *Gaty gysyp gapyrgamy gapyşdyraýma.* **2**. Muşakgat baryny ýagdyrmak, çykalga ýok ýaly edip görkezmek.

**GAPYŞMAK I**, *işl.* **1**. Asmanyň ýüzüni gara bulut, tozanly ýel we ş.m. tutup, howa bulaşmak, gamaşmak, garaňkyramak. *Emma ýagyş diňer ýerde diňmedi, töwerek barha gapyşdy* (G. Kulyýew). **2**. Biri-birine bir bitewi ýaly ýelmeşmek. *Garga salsaň tugun bilen depişer, Haýbatyndan daglar-daşlar gapyşar* (Magtymguly). **3**. Gahatlyk düşmek, tapylmazlyk, gytalmak. *Meniň gereklän zadym gapyşaýýar.*

**GAPYŞMAK II,** *işl.* **1**. Oklanýan kerpiçleri birnäçe bolup ýerli-ýerden gapyp almak. *Kerpiç örýän ussalar aşakdan özlerine oklanýan kerpiçleri gapyşyp durdular*. **2**. Biri-birine agyz salmak, biri-birini dişlemek. *Kyrk gysrak bir guýynyň başynda depişýär hem gapyşýar* (Matal: uk we tüýnük).

**GAR** [ga:r], *at.* Akja tozgajyklar görnüşinde ýere düşýän ygal. *Gar ýagdy. Ýere ýukajyk gar düşüpdir. Galyň gar. Ýuka gar.*

◊ **Gar awusy** gar ýagmazyndan öň ýüz-gözüňi ýalap, dalap barýan ýiti sowuk. *Şu gün-ä gar awusy bar, garyň ýagaýmagy mümkin.* **Gar ýaly** sowuk, ýylysy ýok. *Gaty üşediňmi ýa ýaraňokmy, eliň gar ýaly-la?* **Ak gar ýaly arassa** hiç hili günäsi ýok. *Onuň ak gar ýaly arassadygyna ynanýan, oňa günäni sürtseňem ýokmaz.* **Galan işe gar ýagmak** edilmän soňa goýlan işiň ýerine ýetiriljegi gümanadyr. *Galan işe gar ýagar* (Nakyl). **Ýüzünden gar ýagmak** *ser*. **Ýüz.**

**GARA**, *syp., at*. **1**. Kömrüň reňkindäki, gurum reňkli. *Gazana ýanaşsaň, garasy ýokar* (Nakyl). **2**. Adamyň ýa-da bir zadyň uzakdan, garaňkylykda aýdyň görünmeýän, saýgaryp bolmaýan sudury, salgymy, şekili. *Ýagşy derde düşer, aglar ýamana, Namart gara görse, geler amana* (Magtymguly). *Tamlaryň garasy görnüp başlady*. **3**. Bir zadyň daş görnüşi, gabara. **4**. Köwşe çalynýan gara reňkli krem (*ser*. **Gara 1**.). *Köwşe gara çalmak.* **5**. Bir zat degip galdyran hapa yzy. *Çagajyk eliniň garasyny ýuwup aýyrdy.* **6**. *göç.m.* Erbetlik, günä, aýyp, etmiş.

*Gara ýöňkemek. Gara sürtmek.* **7**. Oýnalýan kartyň bir güli, garahal. **8**. Oglana dakylýan at.

◊ **Gara altyn** nebit. **Gara bagryňy gan etmek 1)** gan ýuwutmak, hupbat baryny görmek, ezýet çekmek. **2)** gaty gynanmak, gamlanmak. **Gara bagyr 1)** çagany ösdürip ýetişdiren ene. *Itekläp olary aňyrdan-bärden, Näçe ejir çekdiň sen, gara bagyr* (M. Seýidow). **2)** gaty içgin, jany bilen, yhlasly. *Ol gara bagyr düşündirjek bolýar.* **Gara basmak** bijaý ýatylmagy sebäpli, gan aýlanyşynyň bökdelmegi netijesinde düýşürgäp, özüňe erkiň ýetmez ýaly bolmak, basyrganyp hopukmak. **Gara başyňy gala tutmak** başyňy belent tutmak, ruhuňy belent tutmak. **Gara bermezlik (salmazlyk)** biriniň öýüne barmazlyk ýa-da gelmezlik, görünmezlik. *Ejesi: "Oglum bir aý bäri gara berenok" diýip, alada edip ugrady*. **Gara bokurdak** ýaşaýyş üçin gerek bolan iýmitler, eklenç, gün-güzeran. *Uzugy aman-sag abraý bilen ýerleşdirsek, başga-ha bir gara bokurdak bolaýmasa, üstümizden gara bulut sowlan ýaly boljak – diýerdi* (H. Derýaýew). **Gara çaýyr** ekine zyýanly, köplenç suwly ýerde bogun-bogun bolup ýaýrap ösýän, her bognundan kök çykarýan çaýryň bir görnüşi. **Gara çorba** gowurmadan ýa-da ak ýagdan jazlanyp, içine atylan sogan gowrulandan soň, üstüne suw guýlup, soňundan hem islegiňe görä ýeralma we ş.m. salnyp taýýarlanylýan çorbanyň bir görnüşi. **Gara çowlam gy**zgyn epgege, aňzak sowuga gara-ört bolan, ýüzi çowlanan. *Ýüzleri garaçowlam bolan daýhanlar.* **Gara çyny bilen** tüýs ýürekden, elinde baryny edip, janyň-teniň bilen, çynyňy edip. *Şeýle diýdi-de, ol gara çyny bilen gazetiň ýüzüne bir zatlar çyrşaşdyrdy* ("Edebiýat we sungat"). **Gara daňdan** ir ertir, daň atyp-atmanka. **Gara der bolmak** köp işlemek ýa-da näsaglyk zerarly gaty derlemek. *Dynç alman işläp, gara der boldy.* **Garadan gaýtmaz 1)** edermen, batyr; **2)** soňuny saýmaz, özüne geljek gepden çekinmeýän. **Gara donly** günäli, ýazykly. *Iki arada men gara donly bolup galdym*. **Gara gadyr** örän gadyrly. **Gara galdyrmak 1)** dagda-düzde daşdan gelýän adama özüňiň nirededigiňi bildirmek üçin, telpegi taýagyň ujuna geýdirip, ýokary galdyrmak. *Gara galdyrmadyk bolsaň, tapmazdym.* **2)** deňizde gäminiň heläkçiligе uçran mahaly başgalary kömege çagyrmak. **Gara gan 1**) tutuş gan. *Pyçaga kesdiren eli gara gan boldy*. **2**) kyn, gara görgi. *Bu bir gum ýeri, bir ýere gitjegem bolsaň, ulag tapmak gara gan.* **Gara gatyk** (*gepl. d.*) gatygy az goşulan, gatygy ýok diýen ýaly (unaş, belke hakynda). *Gara gatyk belke*. **Gara gaýgy** bar gaýgysy, bar aladasy. *Meniň gara gaýgym şu gün şähere gitmekdi.* **Gara gijä galmak** bir ýerde gaty köp eglenmek. **Gara golak etmek (goýmak)** biriniň bir işi etmek üçin gerekli bolan zadyndan, guralyndan dyndarmak. *Ata Marediň pilini alyp, gara golak goýdy.* **Gara görgi** gaty kyn, gorgüsi köp. *Pyýada gaýtjak bolsaň, gara görgüdir, haçan oba bararyn?* **Gara görnüm** garasyny görüp bolýan aralyk, bir şekili göz bilen görüp bolýan aralyk, gözýetim. *Kän ýöräp, bir çölüstanlyga ýetenlerinde, hol garagörnüm ýerden gözüne bir kejebe göründi* ("Görogly"). **Gara görnüm ýer** *ser.* **Gara görnüm**. *Gara görnüm ýerde adam-gara görmedim*. **Gara gün 1)** gündelik durmuş, güzeran, eklenç. *Ak puly saklarlar gara gün üçin* (Magtymguly). **2)** ýaşaýşyň tebigy ýa-da başga sebäplere görä kynçylykly geçýän döwri, agyr gün, agyr durmuş. *Ýusup gören gara günler, Öz başyna geler boldy* (Talyby). **Gara güýç 1)** adamyň bar güýji, kuwwaty, gujury. **2)** adam üçin howply bolan tebigy ýa-da başga betbagtçylyk, bela, howp. **Gara gyş** gyşyň aňzakly sowuk wagty. *Men ony goradym ýaman gözlerden, Jalaý ýigitleriň her garaýşyndan, Sowuk gybatlardan, sowuk sözlerden, Tükenmez ýyllaryň gara gyşyndan* (G.Ezizow). **Gara gyýçak** garadan gelen süýri ýüzli. *Öýde garagyýçak, sary diş aýal galdy* (N. Pomma). **Gara habar** biri hakda erbet habar eltýän adam. **Gara iş** gol zähmeti bilen edilýän iş, akyl zähmetini talap etmeýän iş, güýç talap edýän iş. **Gara işçi** gol zähmeti bilen meşgul adam. *Ol demir ýolda gara işçi bolup işleýär*. **Gara janyň galmazlyk** çendenaşa gaty gorkmak. *Sen wagtynda öýe gelmänsoň, gaty gorkdum, gara janym galmady.* **Gara kelle** (*gepl. d.*) aýal maşgala. *Seniň ýanyňa bir gara kelläni getiräýmeli ekeni.* **Gara keýik** ýabany doňuz, ýekegapan. *Garakeýik keýik bolmaz, Meger girse çöle, kazym* (Kemine). **Gara köke** *ser.* **Sök**. **Gara köpük (pul)** şaýy; mis pul. *Öz ýerinde eger şa sen, eger gul, Kese ýerde gymmatyň bir gara pul* (Seýdi). **Gara köýük** *ser.* **Garaýanyk**. **Gara köýük bolmak 1**) *ser.* **Gara-ört: gara-ört bolmak. 2**) ýanyp garalmak. *Aşagy otly saja atylan dogramçalar ugry indelmän, gara köýük bolaýan eken*. **Gara mal** iri şahly mal. **Gara nebis** erbet nebis, haram nebis. **Gara öý** eşikleri tüssä garalan öý (*ser*. **Öý**). *Gara öýüň ortasyndaky ojakda alawlap ýanýan otdan nazaryny sowman oturan ýaşy elli çemesi, süňkbaşy iri, ýüzi nurana kişi egnine ýasgynjak atynan possunynyň ýakalaryny çekişdirip, syýýny ýygnap, has-da tijendi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Älem içre at gezer", 9 s.). **Gara saçly molla** aýal, hatyn. **Gara suw bolmak** işläp gaty derlemek, derden ýaňa endam-janyň öl-myžžyk bolmak. *Işläp-işläp gara suw boldum*. **Gara suwag** birinji gezek diwary tekizlemek üçin geçirilýän galyň suwag. *Ussalar diwaryň garasuwagyny edip boldular.* **Gara ýanyk** *ser.* **Garaçowlam**. *Yssyda ýüzlerimiz garaýanyk boldy.* **2**. Otda bişip, çenden artyk garalmak, köýmek (iýmit hakynda). **Gara ýanyk bolmak** *ser.* **Gara-ört: gara-ört**

**bolmak. Gara ýere gitmek** (**siňmek**) ölmek. *Berdi Kerbabalar, / Ata Gowşutlar, Gara Seýitliler, / Rehmet Seýitler... Sogrulyp-sogrulyp gujagymyzdan, Gara ýeriň gujagyna gitdiler* (K. Gurbannepesow). **Gara ýer ýaly** ýuwaş, gep-gürrüň bilen işi ýok. *Hawa, bu ýigit gara ýer ýaly, öz işjagazy bilen bolup ýördi* (T. Gurbanow). **Gara ýol** asfalt düşelen ýol. *Aşgabat – Daşoguz aralygyna garaýol gurulýar* (″Türkmenistan″).

**Gara zähmet** gara güýç bilen edilýän zähmet, gara iş üçin çekilýän zähmet.

**GARABA-GARA** [garava-ğara], *at, ser.* **Garama-gara**. – *Ýör how, bizi göçürýärler, galan-gaçan zadyň bolsa, al-da ugra – diýip, ogrynyň yzyndan garaba-gara gidiberýärler* (Keminäniň adyna aýdylýan şorta sözlerden).

**GARABALYK** [garava:lyk], *at.* Derýalarda we akar suwlarynda ýaşaýan balygyň bir görnüşi.

**GARABAŞ** [garavaş] **I**, *at, ösüml. d.* **1**. Bugdaýyň, arpanyň we ş.m. ekinleriň başynda emele gelen gara reňkli kömelek keseli. **2**. Çarlagyň bir görnüşi. **3**. Görgüli, ejir baryny gören, hupbat çeken (aýallar hakynda). – *Haý, garabaş, ol enäniň görmedigi görde galandyr*. **4**. *gepl. d.* Kellesi telpeksiz erkek adamlar, başy açyk (başatgyçsyz) aýal maşgalalar. *Ol aýata garabaş gelipdi.*

**GARABAŞ** [garavaş] **II**, *at, kön.s.* Gyrnak, çory. *Garabaşa don geýdirseň, hatyn olmaz* (″Kitaby dädem Gorkut″).

**GARABIJE** [garavi:je], *at, taryh.* 1916-njy ýylda goşunçylyga adam ibermek üçin atylan bije, pälä ugratmak üçin atylan bije. *Onuň garabijeden gaýdyp gelip durşudy* (B. Kerbabaýew).

**GARABIJELIK** [garavi:jelik]: **garabijelik ýyly** 1916-njy ýylda goşunçylyga, pälä gitmek üçin bije atyşlyk ýyly. *Ol biçäräniň şol garabijelik ýyly öýümizden çykyp gidişi* (″Edebiýat we sungat″).

**GARABUGRA** [garavuğro], *at.* Ýesiriň boýnuna geýdirilip berkidilýän, ujy zynjyrly esbap. *Heý, boýnunda garabugra, Ganyma künde ýaraşar* (Baýly şahyr).

**GARABURÇ** [garavurç], *at.* **1**. Gara reňkli togalajyk burç. **2**. Şol burçuň üwelen görnüşi. *Dograma gara burç sepip iýmek*.

**GARAÇARLAK**, *at.* Deňizde balyk iýip ýaşaýan ganatlary çowly, çüňki egri şar gara guş.

**GARAÇAWUŞ [**garaçawuş**]**, Ygal bolmadyk ýyllary Burkut babanyň (ýagyşyň, suwuň piri) ýoluna berilýän (umuman), tebigat şertleriniň oba hojalygy üçin amatly gelmegini niýet edinip berilýän hudaýýoly. *Ekişi başlamazdan bir hepde öň indi her ýyl edilişi ýaly obada garaçawuş berdi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, ″Döwlet guşy″).

**GARAÇAÝLY** [garaça:ýly], *ser.* **Garaçaýlylar.**

**GARAÇAÝLYLAR** [garaça:ýlylar], Russiýa Federasiýasynyň Garaçaý-Çerkez Respublikasynyň ýerli halklarynyň biri.

**GARAÇOMAK** [garaçomok], *at.* **1**. Iki adamyň arasyna düşýän, biriniň bir iş etmegine päsgel berýän, içigaralyk edýän adam. *Iki adamyň arasynda garaçomak bolmak gerekmikä?* **2**. ″Zöhre – Tahyr″ dessanynda aşyk-magşugyň arasyna düşýän gahrymanyň ady.

**GARAÇY I**, *syp.* Birden kürtdürip durýan, bir zat görse, ürküp-tezip duran, ürkek (mal hakynda).

◊ **Garaçy mal ýaly** keçjal.

**GARAÇY II**, *at, gepl.d.* Öwlat neslinden bolmadyk, öwlat däl; garamaýak.

**GARA-ÇYRA**, *at.* Bir zadyň ýa-da biriniň uzakdan görünýän garasy, sudury, keşbi; janly-jemende. *Daş-töwerekde gara-çyra görnenokdy.*

**GARADAMAK**, *at.* **1**. *gepl.d.* Yşgyn. **2**. Oba ady.

**GARADENDAN** [garadenna:n], *at.* Boýy 25-90 *sm* ýetýän çalymtyl reňkli, süýjümtik tagamly, ýogyn dik baldakly, gasyn-gasyn şepbikli kökli köpýyllyk otjumak ösümlik.

**GARADIL**, *at.* Göläniň diliniň üstüne örýän düwürtikli kesel.

**GARADIŞ** [garadi:ş], *syp.* Dişleri dökülip, ýeri garalyp duran (goýun).

**GARADOLAN** [garadolon], *at.* Dagda bitýän tegelek ýaprakly, çybygynyň daşy gara reňkli berk agaç.

**GARAGAÇ** [garağaç], *at, ösüml.d.* Garagaçlar maşgalasyna degişli ýogyn sütünli, şahalak agaç (bu ösümligiň ýapragy ownuk, gyralary kertik-kertikdir).

**GARAGAÇAK** [garağaçak], *at.* Gara reňkli ýylan.

**GARAGALPAK** [garağalpak], *at, ser.* **Garagalpaklar**. *Magtymgulynyň eserleri garagalpak halkynyň arasynda-da giňden ýaýrapdyr* (″Edebiýat we sungat″).

**GARAGALPAKLAR** [garağalpaklar], *at.* Garagalpagystanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**GARAGAN** [garağan], *at, ösüml.d.* **1**. Selmeler maşgalasyna degişli, boýy 50-70 sm. ýetýän agaçlaşan, gysga, ýogyn şahasy burum-burum gür tüýjagazlar bilen örtülen, çalymtyl öwüsýan, ýapraklary 3-15 sm. uzynlykda bolup, düýbi inçelýän, güljagazlary 2-den 6-a çenli çogdam bolup, ýapragyň düýbünde ýerleşýän, togalak-togalak düwünlije gaty çybyklar çykarýan gyrymsy ösümlik. *Garagan şorlaşan topraklarda ösýär.* **2**. Oba ady.

**GARA-GARA** [gara-ğara], *syp.* Biri beýlekisinden gara, hemmesi gara (birnäçe zadyň reňkiniň garadygy hakynda). *Gara-gara bulutlar, Para-para bolupdyr* (G.Ezizow).

**GARAGAŞ** [garağa:ş], *at.* Örän ýuka ýüpek gyňajyň bir görnüşi, pişigöýme (ýaglyk). *Başlary garagaş ýaglykly gelinler*.

**GARAGAT: garagata ýetmek** pil bilen ýer agdarylanda pili topragyň 40-45 sm aşagyndaky gaty (iýmitsiz) gatlagyna ýetirmek, ösjek ösümligiň kök ýaýratmagyna päsgel berýän gaty gatlak pil bilen agdarylyp, ýeriň ýüzüne zyňylsa, ýeriň gowy hilli agdaryldygy bolýar. *Berkeli aga halypalyk etdi. Sürümi nädip geçirmelidigini öwretdi. …Guran ýer, garagata ýetmek, gaýyr ýer, garatap sürmek, gaty gatlak (garagaty) näme, güýzki şüdügär, gök (giçki) şüdügär, ýer göçürmek näme, garasaý, kän-kän zat hakda "däninim" hem "neme" sözlerini birsyhly gaýtalap aýtdy, garaňky düşdi gitdi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, ″Döwlet guşy″).

**GARAGÄZ** [garağä:z], *syp.,at.* Gaty kirli, kir basyp giden, gara kir. *Onuň egnindäki köne güpbüsi garagäzdi. Garagäziňi akdyryp, ile çykjakmy?*

**GARAGOL** [garağo:l], *syp.* Bezzat, ýakymsyz. *Adam diýeniň beýle garagol bolmaz* ("Görogly").

**GARAGOLÇYLYK** [garağo:lçuluk], *at, ser.* **Garagollyk**.

**GARAGOLLYK** [garağo:lluk], *at.* Bezzatlyk, ýakymsyzlyk. *Oglanlar, garagollyk etmäň!*

**GARAGOÝUNLY** [garağoýunly], *syp.,taryh.* Orta asyr türkmenleriniň bir bölegi.

**GARAGULAK** [garağulok], *at.* **1**. Pişikler maşgalasyndan bolan gulagy gara, gyzgylt-goňur reňkli hüžžük tüýli, ýyrtyjy haýwan. **2**. Nähili gep-gürrüň barka diýip, gulak kakyp ýören adam.

**GARA-GURA** [gara-ğuro], *at.* Her hili köne-küşül, gurum we ş.m. zatlar, garagurum. *Bu zatlary gara-gura ýygnaýanlara tabşyrmaly.*

**GARAGURT** [garağurt], *at.* Aýranyň içine buýanyň köki atylyp gaýnadylyp taýýarlanýan garamtyl iýmit. *Garagurdy ertirden agşama çenli gaýnatdylar* (H. Derýaýew).

**GARAGURT** [garağu:rt], *at.* Zäherli gara möý.

**GARAGURUM** [garağurum], *at.* **1**. Gara öýüň tüsse siňip giden köne, ýyrtyk durluk-üzükleri. *Sürüji Ogulgeregiň galdyran garagurum ýyrtygyny eline aldy* (N. Saryhanow). **2**. Ýanýan zadyň tüssesinden emele gelýän gara, gurum, düýt. **3**. Derde ýaramaýan köne-küşül zatlar, esgi, letde, gara-gura.

**GARAGURUMÇY** [garağurumçy], *at.* Köne-küşül zatlary, esgileri, letdeleri ýygnaýan adam.

**GARAGUŞ** [garağuş] **I**, *at.* Daglyk we çöllük ýerlerde ýaşaýan egri çüňkli, güýçli, iri ýyrtyjy guş.

**GARAGUŞ** [garağuş] **II**, *at, lukmanç.* Wagtal-wagtal tutgaý tutup, el-aýagyňy sandyradyp, agzyňy köpürjikledip, huşuňdan giderýän tutgaýly kesel.

**GARAGUŞLY** [garağuşly], *syp.,lukmanç.* Garaguş keselli, garaguş keseli bilen kesellän, tutgaýly.

**GARAGYZYL** [garağyzyl], *syp.* **1**. Gara reňk goşulany üçin gara öwüsýän gyzyl. **2**. *at.*Toprakdan soň halynyň bütin töweregine gyzyl ýa-da goňur ýüp bilen çitilip çykylýan zolak nagyş.

**GARAHAL** [garaha:l], *at.* Oýnalýan kartyň gara peýkamly görnüşi.

**GARAHASSAÇYLYK**, *at, ser.* **Garahassalyk**.

**GARAHASSALYK**, *at.* Birnäçe howply ýokanç keselleriň umumy ady.

**GARAJA**, *syp.* **1**. Enaýydan gara, kiçijik hem gara zatlar sypatlandyrylyp aýdylýan söz. *Galanyň ileri günbatar gapdalynda bir garaja oraça otyrdy* (A. Gowşudow). **2**. Oglana dakylýan at.

**GARAJÜRJEN** [garajürjön], *syp.* Inçemik gara ýüz, güne ýanyp garalan ýüzli. *Harmanyň eýle tarapyndan eli küýzeli on-on iki ýaşly garajürjen oglanjyk göründi* (N. Esenmyradow).

**GARAK I,** *at, gepl. d., ser.* **Göz 1**.

◊ **Garagy gapylmak (çykmak)** kör bolmak, gözden mahrum bolmak. **Garagyny gapmak (çykarmak)** kör etmek, gözden mahrum etmek. **Garak gapan** owadanlygy ýa-da başga bir üýtgeşik häsiýeti bilen haýran eden, özüne maýyl eden, özüne çeken. *Durmuşa çykmanka ol aýal garak gapan gyzdy*.

**GARAK II**, *at, ösüml.d.* Selmeler maşgalasyna degişli boýy 30-7 sm ýetýän, tüýsüz baldaklary bogun-bogun köp ýyllyk ösümlik. Gül topbagy 2-den 5-e çenli togalak. Bu ösümlik ýumşak şorluklarda, takyrlarda, şorly düzlüklerde ösýär. *Düýeleri bir ýerde çökerip, öňlerine garak baryny üýşürdik* (G. Seýitmädow).

**GARAKÇY**, *at, taryh.* Il-günüň zadyny, malyny talamak, zorlap almak bilen meşgullanýan, ýol urýan adam, talaňçy. *Bir ýerden gelýärkäm kyrk garakçy peýda boldy* (″Görogly″).

**GARAKÇYLYK**, *at, taryh.* Garakçynyň käri, talaňçylyk.

**GARAKLYK**, *at.* Garagyň köp biten ýeri. *Jahan ganymat ýagtylandan soň, bir oý ýerde – garaklyk, çetilik ýerde ýükleri ýazdyrdyk* (G. Seýitmädow).

**GARAKÖLÇÜLIK** [garakö:lçülük], *at.* Oba hojalygynyň garaköli goýunlary ösdürip ýetişdirmek bilen meşgullanýan pudagy. *Garakölçülik goýundarçylygyň esasy pudagydyr.*

**GARAKÖLI** [garakö:lü], *at.* **1**. Orta Aziýada ösdürilýän buýra-buýra ýüňli, guzusynyň baganasy gymmat bahaly goýnuň tohumy. **2**. Garaköli goýnuň guzusynyň baganasy we şol deriden tikilen önüm. *Ýigidiň başynda garaköli baganadan telpek bardy*.

**GARALAMA**, *iş ady.* **1**. Garalamak ýagdaýy. **2**. Golýazmanyň birinji nusgasy we şol nusga käbir

üýtgeşmeler girizilmegi bilen kem-käs üýtgedilip taýýarlanan şekil, doly gutarylmadyk nusga.

**GARALAMAK**, *işl.* **1**. Gara reňke öwürmek, reňkini gara etmek. **2**. *tikinç.* Nagşa öwüşgin bermek üçin onuň daşyna gara zolak çekmek. *Tahýany gaýamazdan öň gara ýüpek bilen garalamaly.* **3**. Hapa etmek, hapalamak, kirletmek, gara ýokdurmak. *Gazan göterip, elimi garaladym*. **4**. Daşyna gara çalmak, ýaglamak, gara reňk bermek. *Ädigiňi garalamak*. **5**. *göç.m.* Töwereginden seredip, gözden ýitirmän ýöremek, yzyna düşmek. *Wüşi kel töweregimizden garalap ýöräpdir* (A. Gowşudow). **6**. *hukuk.* Birini günäli hasaplamak, aýyplamak, günälemek.

◊ **Garaladym etmek** edýän işiň esasy bölegini gutarmak.

**GARALAMAKLYK**, *iş ady.* Garalamak ýagdaýy.

**GARALAMAZLYK**, *iş ady.* Garalamak işini amal etmezlik, ýerine ýetirmezlik.

**GARALANMAK**, *işl.* **1**. Gara reňk, krem çalynmak, ýaglanmak. *Köwşi ýaňy garalanan ädikli oglan*. **2**. *tikinç.* Nagşa öwüşgin bermek üçin onuň daşyna gara zolak çekilmek. *Tahýanyň gaýmasy oňat garalanmandyr.* **3**. Günä ýöňkelmek, aýyplanmak, günälenmek.

**GARALAŞDYRMAK**, *işl.* Garalap çykmak, garalap bolmak, köpüsini, ählisini garalamak.

**GARALAŞMAK**, *işl.* **1**. Garalamaga kömekleşmek. **2**. Birnäçe bolup garalamak. *Olar köwüşlerini garalaşyp otyrdylar*.

**GARALATMAK**, *işl.* Garalamak işini başga birine etdirmek. *Ädikçä köwşüňi garalatmak.Tahýanyň etegini garalatmak.*

**GARALAWÇY** [garalowçy], *at.* Kazyýetde jenaýat işine seredilende, jenaýata çekilen adamy aýyplaýan aýyplaýjy. *– Tanaýarmysyňyz? – diýip, garalawçy sorag berýär* ("Edebiýat we sungat").

**GARALLA**: **garalla bilmek** kyn görmek; alada-iňkis edinmek. *Jigiňi gezelenje äkitmegi garalla bilme.* **Garalla etmek** idi etmek, gözegçilik etmek, ugruna seretmek, alada etmek. *Gyrkym maşyny özüne garalla edilip durulmagyny söýýär.*

**GARALMA**, *iş ady.* Garalmak ýagdaýy.

**GARALMAK I**, *işl.* **1**. Gara bolmak, gara reňke öwrülmek. *Oda goýlup, jüründigi garalan çäýnek telim gezek demlenip getirildi.* **2**. Howa bozulyp başlamak, üýtgäp ugramak, garaňkyramak. *Asmanyň ýüzi garalyp ugrady.* **3**. Garaňky düşüp başlamak, howa garaňkyrap, agşam düşmek. *Eýýäm iňrik garalypdy.* **4**. Uzakdan çala görünmek, sudury bildirmek. *Ep-esli menzilden garalyp görünýän gat-gat daglaryň süýr depesine çenli saýgarmak bolýardy* (G. Kulyýew). **5**. *göç.m.* Bişip reňki gara bolmak. *Garaly garalyp ugrapdyr.*

◊ **Murty garalan** ýigit çykan (*ser.* **Murt**).

**GARALMAK II**, *işl.* Ara alyp maslahatlaşylmak, ýygnakda, maslahatda meselä seredilmek.

**GARALMAKLYK**, *iş ady.* Garalmak ýagdaýy, derejesi.

**GARALTMAK**, *işl.* Gara reňke öwürmek, reňkini gara etdirmek. *Diwaryň ýüzüni tüsse garaldypdyr.*

**GARALY** [gara:ly], *at.* **1**. Erik ýaly ýaýraň şahaly uly agaç. *Ýabyň kenarynda erikdir alma, garalydyr ülje-de ösüp otyrdy*. *Bir ýabyň kenarynda bitip oturan erikdir alma, garalydyr ülje-de ony pikirlendirýärdi* (N. Baýramow). **2**. Şol agajyň içi şänikli, togalakdan süýri miwesi. *Garaly bişipdir*.

**GARALYK I,** *at.* Gara reňklilik.

**GARALYK II**, *at.* Adamyň hereketinde, işinde ýüze çykmagy mümkin bolan ýaramaz zat, erbetlik. *Oňa sürtseňem garalyk ýokmaz.*

**GARALYŞ**, *iş ady.* Garalmak ýagdaýy.

**GARAMA**, *iş ady.* Garamak ýagdaýy.

**GARAMA-GARA** [garama-ğara], *hal.* Biri-biriniň yzyndan ýöräp, öňden barýany gözden ýitirmän, gözden salman, garaba-gara. *Ýagmyr onuň yzyna garama-gara düşüp barýardy* (B. Seýtäkow).

**GARAMAK**, *işl.* **1**. Seretmek, äňetmek. **2**. Ara alyp maslahatlaşmak, ýygnaga, maslahata goýmak. *Maslahat wajyp meselä garaýardy.*

**GARAMAGYNDA** [garamağynna], *hal.* Bir edara ýa-da birine tabyn, garaşly ýagdaýda. *Edaramyz ministrligiň garamagynda işleýär.*

**GARAMAKLYK**, *iş ady.* Garamak ýagdaýy.

**GARAMANDALAK** [garamanna:lak], *at.* Ýasy ýaprakly, ortasyndan porruk çykaryp ösýän, köki kösükli ösümlik.

**GARAMAT** [gara:mat], *at.* Biri ýa-da bir zat üçin edilýän alada, hysyrdyly iş. *Öýüň-öwzaryň garamaty mährem enäniň üstüne düşdi* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Garamatyňy (garamatyny) biriniň üstüne atmak** **1**) özüň hakyndaky aladany başga birine etdirmek. **2**) aladasyny adamsy edip durar ýaly, gyz maşgalany durmuşa çykarmak. *Gyz maşgalanyň garamatyny wagtynda biriniň üstüne atan ýagşydyr*.

**GARAMAÝAK**, *syp., at.* Jemgyýetiň ýokary gatlagyna degişli däl, gara zähmeti bilen gün-güzeranyny dolaýan, garyp-gasar, pukara.

**GARAMAZLYK**, *iş ady.* Garamak hereketini etmezlik, seretmezlik.

**GARAMÇA**, *at, gepl.d.* Birine göz-gulak bolup duran hossar, erkek kişi, erkek adam. *Şunça garamçaň, şunça gözüň arasyndan şonuň ýalyjak oglan üstüňi basyp gitmelimidir!* (Ý. Mämmediýew).

**GARAMTYL**, *syp.* Gara öwüşginli, reňki gara öwüsýän, gara ýakyn reňkli, gararak. *Garamtyl mata*.

**GARAMÜRRI** [garamürrü], *at, ösüml.d.* Garpyzyň daşy dilim-dilim, paçagy ýuka, giç bişýän, kiçiräk görnüşi.

**GARAMYK I**, *at.* **1**. *gepl.d., ser.* **Gyzgan**. *Jeňňelde hyşa, garamyk ýaly ösümlikler biri-birine çolaşyp otyrdy* (N. Jumaýew). **2**. Gyzganyň owunjak garaja miwesi.

◊ **Garamyk ýaly** gara, oýnap, ýyldyrap duran (göz hakynda). *Maşyndan çykan orta boýly çalasyn ýigidiň garamyk ýaly gara gözleri närahatlyk hem ýeserlik bilen oýnaklaýardy* ("Watan").

**GARAMYK II**, *at, lukmanç.* Çaganyň tenine örýän, owunjak gara düwürtikli örgün kesel. *Garamyk çykarmak.*

**GARANDYRMAK** [garannyrmak], *işl.* Garanmaga mejbur etmek, biriniň garanyp durmagyna sebäp bolmak. *Wagtynda yzyňa dolanaýsaň bolmadymy, meni garandyryp goýaýdyň.* **2**. *göç.m.* Ýaýdanmaga mejbur etmek. *Eliň ýukalygynyň garandyrýan ýeri köp bolýar*.

**GARANEBIT** [garanevit], *at.* Nebitden benzin, kerosin alnandan soň galýan ýagjymak galyndy.

**GARANIL** [garani:l], *at, gepl.d.* Ýekenil aw tüpeňi.

**GARANJAKLAMA**, *iş ady.* Garanjaklamak ýagdaýy.

**GARANJAKLAMAK**, *işl.* Birsyhly töweregiňe seretmek, eýläňe-beýläňe garanmak, ýaltaklamak.

**GARANJAKLAMAKLYK**, *iş ady.* Garanjaklamak ýagdaýy.

**GARANJAKLAMAZLYK**, *iş ady.* Daş-töweregiňe seretmezlik, garamazlyk.

**GARANJAKLAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup daş-töweregiňe seredişmek, äňedişmek.

**GARANJAKLATMAK**, *işl.* Daş-töwerege seretdirip goýmak, ýaltaklatmak.

**GARANJAKLAÝYŞ**, *iş ady.* Garanjaklamak ýagdaýy.

**GARANJYRAMAK,** *işl.* Bir zada ýa-da birine ýuwaşlyk bilen bakmak, garamak, gizlin garamak.

**GARANMAK**, *işl.* **1**. Töweregiňe, eýläňe-beýläňe seretmek, äňetmek, ýaltaklamak. *Ol birine garaşýan ýaly, dükanyň agzynda garanyp durdy*. **2**. Bir işiň başyny tutmakçy bolanyňda ýetmezçilik sebäpli ýaýdanmak. *Jübiň galyň bolmasa, garanýan ýeriň köp bolýar*.

**GARANMAZLYK**, *işl.* Garanyp durmazlyk.

**GARANTGA**, *at.* **1**. Mal-gara, guş gelmezlik üçin ekiniň içinde adama meňzedilip goýulýan şekil. *Öz ekinine garantga dikipdi* (N. Esenmyradow). **2**. Duşmanyň ünsüni sowmak, aldamak üçin adama meňzedilip goýulýan zat.

◊ **Garantga ýaly bolup durmak** biriniň golaýyndan aýrylman gazarylyp durmak. – *Näme, garantga ýaly bolup dursuň, eliňe piliňi al-da işläber*.

**GARAŇKY**, *syp.* **1**. Ýagty däl, ýagty düşmeýän ýer. *Kümäniň içi garaňkydy*. **2**. *at.* Ýagty däl, ýagty düşmeýän ýer; gije-gündiziň ýagty däl wagty; gijelik. *Sen garaňkynyň içinde näme işläp ýörsüň? Gün ýaşyp, garaňky düşdi.* **3.** *göç.m.* Düşnüksiz, gümürtik, aýdyň däl (heniz görülmedik, nätanyş ýer, iş hakynda). *Aý, birhili, garaňky ýaly bolup dur-da* ("Edebiýat we sungat"). *Baş goşan işimiz maňa gaty garaňky görünýär*.

◊ **Garaňky gatlyşmak** garaňky düşüp başlamak, iňrik garalmak, garaňkyrap başlamak. **Ýüzüňi garaňka tutmak** garaňkynyň öň ýanynda bir ýere ugramak. *Kerwen ýüzüni garaňka tutup, ýola düşdi*.

**GARAŇKYLYK**, *at.* Garaňky ýagdaýda bolmaklyk, ýagty dällik. *Otly garaňkylygyň içi bilen şol şaglap barýardy* (T. Gurbanow).

**GARAŇKYRAK** [garaňkyra:k], *syp.* Onçakly ýagty bolmadyk, ala garaňky.

**GARAŇKYRAMA**, *iş ady.* Garaňkyramak ýagdaýy.

**GARAŇKYRAMAK**, *işl.* **1**. Garaňky düşüp başlamak, gün ýaşandan soň asmanyň ýüzi garalyp ugramak. *Tamyň içi birdenkä garaňkyrap gitdi.* **2**. *göç.m.* Gözüň öňi bulaşmak, ümezlemek.

**GARAŇKYRAMAKLYK**, *iş ady.* Garaňkyramak ýagdaýy.

**GARAŇKYRAMAZLYK**, *iş ady.* 1. Garaňky düşmezlik, garaňky gatlyşmazlyk.

**GARAŇKYRATMAK**, *işl.* **1**. Çala garaňky etmek, ýagtynyň öňüni örtüp, garaňky etmek. *Günüň öňüne baran bulut howany garaňkyratdy. Tuty tutup, jaýyň içini garaňkyratmak.* **2**. *göç.m.* Gözüniň öňüni garalmak katdyna ýetirmek, ümezletmek. *Ýagmyryň bu sözi Şadymangülüň gözlerini garaňkyratdy* ("Edebiýat we sungat").

**GARAŇKYRAÝYŞ**, *iş ady.* Garaňkyramak ýagdaýy.

**GARA-ÖRT**: **gara-ört bolmak** güne ýanyp ýa-da nähoşlap, ýüzüň garalmak, gap-gara bolmak. *Onuň dolmaç ýüzi gara-ört bolupdyr* (K. Berdiýew).

**GARARAK** [garara:k], *syp.* Reňki gara ýakyn; beýlekä görä has gara. *Bu mata ondan gararak.*

**GARASAÝ**, *ugr. s.,ser.* **Garaz**. *Garasaý, nähilem bolsa, köp güzerlerden geçip, ahyr halypanyň huzuryna barmak atama miýesser bolupdyr* ("Edebiýat we sungat").

**GARASÖÝMEZ** [garasöýmöz], *syp.* Ýeke özüni bilýän, hiç kime gatyşmaýan, ýekemen.

**GARASÖÝMEZLIK** [garasöýmözlük], *at.* Garasöýmeziň gylyk-häsiýeti, ýekemenlik, ýeke özüňi bilmeklik, hiç kime gatyşmazlyk.

**GARASUW I,** *at.* **1**. Sary gaýnama zerarly agyzdan gelýän suwuklyk. **2**. *lukmanç.* Göz agyry-körlük

keseliniň ady. *Göze garasuw inip, oňa gül düşende, ony derman bilen bejerip bolmaýar* (S. Karanow).

**GARASUW II**, *at.* Dag eteklerindäki çeşmelerden akýan dury suw.

**GARASYRYM** [garasy:rym], *at.* Halyda gara ýüp bilen çitilýän zolak çyzyk.

**GARAŞDYRMAK**, *işl.* Biriniň gelerine ýa-da bir zadyň bolaryna garaşmaga mejbur etmek, eglendirmek.

**GARAŞLY**, *syp.* Birine bakna, bagly, tabyn, öz erkli däl, elgarama. **2**. Bir ýere, edara, gurama tabyn, degişli.

**GARAŞLYLYK**, *at.* **1**. Birine baknalyk, baglylyk, tabynlyk, erkli dällik, elgaramalyk. **2**. Bir ýere, edara, gurama tabynlyk, degişlilik.

**GARAŞMA**, *iş ady.* Garaşmak ýagdaýy.

**GARAŞMAK**, *işl.* **1**. Biriniň ýa-da bir zadyň geler wagty bolýança durmak, saklanmak, eglenmek. – *Garaş, ýaryň geler – diýdi (*Aýdymdan*)*. **2**. Birnäçe bolup seretmek, bir ýana seretmek. *Olar el-aýaklaryny ýitirip, biri-biriniň ýüzüne zaryn garaşdylar* (B. Seýtäkow). **3**. Birinden bir zady tama etmek, bir iş, waka öz göwnüňe görä bolar öýtmek, çak etmek. *Men ondan hoş söze garaşýardym*. **4**. Birinden ýa-da bir zatdan edýän tamaň ýerine düşer öýtmek. *Men dostumdan diňe ýagşylyga garaşýan. Şu ýyl özümiň eken gowaçamdan gowuja hasyla garaşýan.*

**GARAŞMAKLYK**, *iş ady.* Garaşmak ýagdaýy.

**GARAŞMAZLYK**, *iş ady.* Garaşyp durmazlyk.

**GARAŞSYZ**, *syp.* Birine ýa-da bir zada garaşly däl, özygtyýarly, özbaşdak. *Garaşsyz, bitarap Türkmenistan*.

**GARAŞSYZLYK**, *at.* Birine ýa-da bir zada garaşly dällik, özygtyýarlylyk, özbaşdaklyk.

**GARAŞYK**, *at.* Maddy, ruhy taýdan birine edilýän alada, goldaw, hemaýat, kömek, ýardam.

**GARAŞYKLY**, *syp.* Biri-birini goldaýan, biri-birine kömek edýän, arkalaşykly. *Ol ýagşy niýetli, mylaýym häsiýetli, garaşykly aýaldy* (G. Kulyýew).

**GARAŞYLMAK**, *işl.* **1**. Biriniň gelmegine ýa-da bir zadyň bolaryna garaşyp durulmak, göz dikilmek. **2**. *göç.m.* Birinden bir zat tama edilmek, bir iş üçin bil baglanmak. *Özünden kän zada garaşylýandygyna ol göz ýetirdi* (B. Seýtäkow). **3**. Birinden ýa-da bir zatdan edilýän tama ýerine düşer öýdülmek. *Şu ýyl bugdaýdan ýokary hasyla garaşylýar.*

**GARAŞYŞ**, *iş ady.* Garaşmak ýagdaýy.

**GARATAGT** [garatağyt], *at.* Gyş suwy berlip, ýaz ekişine taýýarlanylyp goýlan ýer.

**GARATAL**, *at, ösüml. d., gepl.d.* Söwüdiň garasy, söwüdiň bir görnüşi.

**GARATEŇŇEZ**, *at.* Bägül güllüler maşgalasyna degişli, dagda bitýän, gür inçe çybykly, tikenli, miwesiz agaç.

**GARATAP** [garata:p]: **garata:p sürmek** üstüne yzly-yzyna iki gezek ýagyn ýagan ýeri sürmek.

**GARATIKEN**, *at.* Köplenç, suwluk ýerlerde, ýap boýunda bitýän syh-syh uzyn ýaprakly, gyzgana meňzeş ösümlik.

**GARATMAK**, *işl.* **1**. Bakdyrmak, gönükdirmek. *Içinden adam sümäýmeli toplary bize garadyp gurupdyrlar* (A. Gowşudow). **2**. Ýygnakda, maslahatda we ş.m. ara alyp maslahatlaşdyrmak. *Ol bu meseläni ýygnakda garatmaga çalyşýardy.*

**GARAW** [garow], *at.* Birine berilýän gaýtawul, görkezilýän garşylyk. *Garaw bardyr ýersiz urlan taýakda* (Magtymguly).

**GARAWUL** [garawul], *at.* **1**. Bir zady gorap saklamak üçin ýa-da gadagan edilen ýeri goramak üçin goýlan sakçy. *Garawula durmak*. **2**. Tüpeňiň niliniň ujundaky çykyp duran demir, nyşana alnanda didiwandan görülýän we oňa laýyk getirilýän demirjik. *Garaz, munuň garawulyndan bir alyp bilseň, gönderen okuň hata gitjek gümany ýok* (B. Kerbabaýew). **3**. Deňizde gurlup goýlan, aw torlaryny tapmak üçin ýörite bejerilen belgi. **4.** Omaç ýa-da araba boýuntyryga tirkelende, tirkegi deň saklamak üçin onuň ortasyndan kakylýan kiçijik agaç. ...*Garawul goşçynyň goşy dogry çekmegi üçin nyşana bolýar* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Döwlet guşy").

◊ **Garawula almak** nyşana almak, çenemek.

**GARAWULBEGI** [garawulveği], *at, kön.s.* Kapitana barabar harby dereje.

**GARAWULÇÖP** [garawulçöp], *at.* Boýuntyrygyň ortasyndaky deňlik çöpi.

**GARAWULÇYLYK** [garawulçuluk], *at.* Garawulyň käri, onuň ýerine ýetirýän işi, garawullyk. *Ol gije edara mallaryna garawulçylyk çekýärdi.*

**GARAWULHANA** [garawulha:na], *at.* Garawulçylyk edýän adamlaryň bolýan jaýy, garawul jaýy.

**GARAWULLAMA** [garawullomo], *iş ady.* Garawullamak ýagdaýy.

**GARAWULLAMAK** [garawullomok], *işl.* Bir zatdan ahmal bolmazlyk üçin esewan bolmak, amatyny aňtamak. *Towuk ketegiň agzyny garawullap tüýlek ala köpek ýatyrdy.*

**GARAWULLAMAKLYK** [garawullomoklyk], *iş ady.* Garawullamak ýagdaýy.

**GARAWULLAMAZLYK** [garawullomozlyk], *iş ady.* Garawullamak işi amal edilmezlik, garawullap durmazlyk.

**GARAWULLYK** [garawulluk], *at, ser.* **Garawulçylyk**.

**GARAÝAG** [garaýa:ğ], *at.* **1**. Malyň gotur keseline çalmak üçin dowaryň çöri ýakylyp alynýan ýag. *Bir*

*wagtlar-a düýe goturlanda, ýyl aşan garaýag çalyp günde daňardyk* (N. Pomma). **2**. *gepl.d.* Tehnikada we ş.m. ulanylýan ýaglar. *Garaýag siňen eşikli ýaş ýetginjekleriň arasyndaky adamy biz bada-bat tanadyk* (K. Berdiýew).

**GARAÝAGYZ** [garaýağyz], *syp.* Gara ýakyn reňki bolan, bugdaý reňkden hem gararak (ýüz hakynda). *Ol ýigrimi ýedi ýaşlaryndaky daýaw, garaýagyz gyzdy* (T. Gurbanow).

**GARAÝAPBAN** [garaýapba:n], *at, ösüml.d.* Uly ýaprak bolup ýere ýazylyp ösýän ösümlik. Yşgyn. *Goýun sürüsi garaýapban otlaýardy.*

**GARAÝATAK**, *at.* Mal sürüsiniň gyş, güýz ýatýan ýyly ýatagy, köne ýatak. *Dowarlar üçin garaýataklar.*

**GARAÝELIN**, *syp.* Ýelinlemän guzlan (mal hakynda). *Sygrymyz garaýelin guzlady.*

**GARAÝYŞ**, **1**. *iş ady.* Garamak ýagdaýy. **2**. Bir zada, waka, hadysa, bolan nukdaýnazar.

**GARAZ**, **1**. Nähili hem bolsa, her niçik-de bolsa, ahyr soňy, mahlasy we ş.m. many aňladýan söz. *Garaz, işi wagtynda ýerine ýetirdik.* **2**. Öç, kitüw, ar, hylt. *Aý, gardaş, seni möçükdirer ýaly, meniň senden garazym ýok ahyryn!* (B. Kerbabaýew). **3**. *gepl.d.* Gezek, mertebe, sapar. *Hä-ä, senden öň gelenler-ä näçe garaz gönendi* (B. Kerbabaýew).

**GARBAK** [garvak], *at, gepl. d.*, *ser.* **Çeňňek 2**.

**GARBAK-GURBAK** [garvak-gurvok]: **garbak--gurbak etmek** az-owlak iýmek, garbanmak, ýürekse edinmek. *Biraz dem-dynç alyp, garbak-gurbak edindik.*

**GARBAMA** [garvama], *iş ady.* Garbamak ýagdaýy.

**GARBAMAK** [garvamak], *işl.* Bir zady nebsewürlik bilen hasyr-husur eliň bilen almak, çalasyn, ur-tut penjeläp almak.

**GARBAMAKLYK** [garvamaklyk], *iş ady.* Garbamak ýagdaýy.

**GARBAMAZLYK** [garvamazlyk], *iş ady.* Garbamak hereketini etmezlik.

**GARBANALGA** [garvanalğa], *at.* **1**. Garbanmak üçin iýmit, ýeňiljek nahar. **2**. Kiçijik naharhana, ýürekse edinilýän jaý. *Biz garbanalga girip naharlandyk.*

**GARBANARLYK** [garvanarlyk], *syp.* Ýeňiljek nahar ediner ýaly, garbak-gurbak eder ýaly (iýmit hakynda).

**GARBANDYRMAK** [garvannyrmak], *işl.* **1**. Döwum-dişlem çörek iýdirmek, doýar-doýmaz nahar bermek, ýeňiljek naharlandyrmak. **2**. *göç.m.* Hiç zatsyz galdyrmak, aljak bolan zadyny öňürti alyp, boş goýmak.

**GARBANMA** [garvanma], *iş ady.* Garbanmak ýagdaýy.

**GARBANMAK** [garvanmak], *işl.* **1**. Doýar-doýmaz nahar edinmek, azda-kände bir zat iýmek, ýeňiljek nahar iýmek. *Bular garbanyp bolanda, telefon jyňňyrdady* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *göç.m.* Hiç zatsyz galmak, sermenip galmak. *Garbanyp galmak.*

**GARBANMAKLYK** [garvanmaklyk], *iş ady.* Garbanmak ýagdaýy.

**GARBANMAZLYK** [garvanmazlyk], *iş ady.* Ýürekselik nahar iýmezlik.

**GARBANYLMAK** [garvanylmak], *işl.* Nahar-şam çalak-çulak iýilmek. *Az-owlak garbanylansoň, başlyk hoşamaýlyk bilen söze başlaýar* ("Edebiýat we sungat").

**GARBANYŞ** [garvanyş], *iş ady.* Garbanmak ýagdaýy.

**GARBANYŞHANA** [garvanyşha:na], *at, ser.* **Garbanalga**.

**GARBATMAK** [garvatmak], *işl.* Bir zady çaltlyk bilen aldyrmak, çalasyn garbap aldyrmak, garbap-düýrüp aldyrmak.

**GARÇYGAÝ** [garçyğaý], *at.* Gyrgylar maşgalasyndan bolan çüňkli, uzyn ýiti dyrnakly, eldeki edilip, awa salynýan guş. *Garçygaý, laçyn guşun alsaň, Ütelgini awy alsaň* (Baýram şahyr). *Bir toýda şol aty aç garçygaý bilen hem ýaryşdyrdylar* (A. Gowşudow).

**GARÇYLDAMA** [garçyllama], *iş ady.* Garçyldamak ýagdaýy.

**GARÇYLDAMAK** [garçyllamak], *işl.* Garçyldyly ses çykmak.

**GARÇYLDAMAKLYK** [garçyllamaklyk], *iş ady.* Garçyldamak ýagdaýy.

**GARÇYLDAMAZLYK** [garçyllamazlyk], *iş ady.* Garçyldyly seslendirmezlik, garçyldyly ses çykarmazlyk.

**GARÇYLDAÝYŞ** [garçyllaýyş], *iş ady.* Garçyldamak ýagdaýy.

**GARÇYLDY** [garçylly], *at.* Bir zadyň bir ýere batly degmesi, galtaşmagy, çapmagy we ş.m. sebäpli çykýan sesiň ady.

**GARÇYN**, *at.* Geýim-gejim salmak üçin öýüň täriminden asylyp goýlan ýüzi nagyşly çuwalyň bir görnüşi. *Suw akar çyrpyn bile, Gyz gaýdar garçyn bile, Degmäň gyzyň göwnüne, Oýnasyn laçyn bile* (Läle). *Ogulgerek garçyn çuwalyň içini döküşdirýärdi* (N. Saryhanow).

**GARDAN** [ga:rda:n], *at.* Gary saklamak, soňundan onuň suwuny ýaşaýyş-durmuş hajatlary üçin peýdalanmak maksady bilen gazylýan desga.

**GARDAŞ**, *at.* **1**. Dogan. *Yrak bolma gadyryň bilen gardaşdan, Her iş tutsaň, ol guwanar ýanyndan* (Magtymguly). **2**. Tanyş ýa-da nätanyş erkek adamlar biri-birine ýüzlenenlerinde ulanylýan söz.

**GARDAŞLYK**, *at.* Doganlyk. *Gardaşlyk goluňy uzatmak.*

**GARDYRMAK** [ga:rdyrmak], *işl.* Garmak işini başga birine etdirmek; kimdir birine garmaga mümkinçilik bermek.

**GARGA** [garğa], *at.* **1**. Ýalpyldawuk gara, ala ýelekli, gagyldap seslenýän uly guş. *Garga garganyň gözüni çokmaz* (Nakyl). **2**. *göç.m.* Mekir, hilegär, ýeser. *Aý, olar gargadyr, seniň duzagyňa düşmez* (B. Kerbabaýew).

◊ **Gargaň ýelegiýaly** şar gara, ýalpyldap gara öwüsýän (saç hakynda).

**GARGADIL** [garğadil], *at.* Ýazyň başlarynda ilkinji gögerip çykýan ak güllüje ot.

**GARGALMAK** [garğalmak], *işl.* Birine gargyş edilmek, gargyş sözler aýdylmak.

**GARGAMA** [garğama], *iş ady.* Gargamak ýagdaýy.

**GARGAMAK** [garğamak], *işl.* Birine gargyş etmek, gargyş sözler aýtmak.

**GARGAMAKLYK** [garğamaklyk], *iş ady.* Gargamak ýagdaýy.

**GARGAMAZLYK** [garğamazlyk], *iş ady.* Gargyş etmezlik, gargyş sözler aýtmak, gargap durmazlyk.

**GARGASOGAN** [garğasoğon], *at.* Düýbi inçeden süýnmek görnüşli, ýasy ýaşy dik ösýän, başy şarjagaz şekilli gök gülli ösümlik.

**GARGAŞMAK** [garğaşmak], *işl.* **1**. Bilelikde birine gargamak. *Baryňyz oňa gargaşyp dursuňyz-la?* **2**. Biri-biriňe gargamak.

**GARGATDYRMAK** [garğatdyrmak], *işl.* Birine gargyş etdirmek, hapa, paýyş sözler bilen sökdürmek, nälet etdirmek.

**GARGATMAK** [garğatmak], *işl.* Biriniň gargap durmagyna ýol bermek, gargyş etdirmek. *Özüňe gargadyp durmak*.

**GARGAÝYŞ** [garğaýyş], *iş ady.* Gargamak ýagdaýy.

**GARGY** [garğy], *at.* Suwly ýerde bitýän, gamyş ýaly bogun-bogun, emma ondan uzyn we ýogyn köpýyllyk ösümlik.

◊ **Gargy tüýdük** suwy çekilen derýalaryň, ýaplaryň töwereklerinde bitýän gargydan ýasalýan we üstünde alty, aşagynda bir perde deşigi bolup üflenýän, ujuna demir müşdük geýdirilýän saz guraly. *Diňe horjunyň bir gözünden iki sany gargy tüýdügiň başy görünýärdi* (A. Gowşudow). **Gargy tüýdükçi** gargy tüýdükde saz çalýan sazanda.

**GARGYLYK** [garğylyk], *at.* Gargynyň köp biten ýeri.

**GARGYNÇ** [garğynç], *at, ser.* **Gargyş**.

◊ **Gargynç ýagdyrmak** *ser.* **Gargyş ýagdyrmak**. *Toý diýip atasy öýüne gidenligi üçin, baýry aýaly Bibijemala-da gargynç baryny ýagdyrdy* ("Edebiýat we sungat").

**GARGYNDYRMAK** [garğynnyrmak], *işl.* Biriniň gargynmagyna sebäp bolmak, birini gargynar ýaly ýagdaýa salmak. *Ol-a meni gargyndyryp goýaýandyr*.

**GARGYNJYRAMAK** [garğynjyramak], *işl.* Öz ýanyňdan birine gargynmak. *Nyýazguly özleriniňkiň süýrenjeňligine gargynjyrady* (Ý. Mämmediýew).

**GARGYNJYRAMAKLYK** [garğynjyramaklyk], *iş ady.* Gargynjyramak ýagdaýy.

**GARGYNJYRAŞMAK** [garğynjyraşmak], *iş ady.* Birnäçe bolup gargynjyramak.

**GARGYNMAK** [garğynmak], *işl.* Öz ýanyňdan hüňürdäp sögünmek.

**GARGYNYŞMAK** [garğynyşmak], *işl.* Birnäçe bolup gargynmak, käýinişmek. *Gargynyşyp oturmaň-da, işli-işiňiz bilen boluň!*

**GARGYŞ** [garğyş], *at.* Birine erbetlik arzuw edilip aýdylýan sögünçli dileg, nälet. *Könekiler: "Nähak gargyş gaýdyp özüňe barar" diýer ekenler.*

◊ **Gargyş almak** başga biri tarapyndan özüňe gargalmak, gargyş edilmek. *Mert bilen namardyň işi deň bolmaz, Gargyşy köp alsaň, işiň oň bolmaz* (Seýdi). **Gargyş siňen** köp gargalan, gargyşa galyp dürli şowsuzlyklara uçran, köpçüligiň gargyşyny alan. *Men bilmeýän, siňenmidir gargyşlar, Geldi bir musallat, dagyldy başlar* (Zelili). **Gargyş ýagdyrmak** bir syhly gargamak, gargyş edip käýinmek. *Şemşat zeýrenip, gargyş ýagdyrdy.*

**GARGYŞLY** [garğyşly], *syp.* Gargyş edilen, nälet siňen, gargyş alan.

**GARJAMA** [ga:rjama], *iş ady.* Garjamak ýagdaýy.

**GARJAMAK** [ga:rjamak], *işl., ser.* **Garmak**.

**GARJAMAKLYK** [ga:rjamaklyk], *iş ady.* Garjamak ýagdaýy.

**GARJAMAZLYK** [ga:rjamazlyk], *iş ady. ser.* **Garmazlyk**.

**GARJAŞDYRMAK** [ga:rjaşdyrmak], *işl.* Garym-gatym, bulam-bujar edişdirmek; bulaşdyrmak, garyşdyrmak. *Merjen, belki-de, ony ýene-de biri bilen garjaşdyrandyr* (R. Alyýew).

**GARJAŞMAK** [ga:rjaşmak], *işl.* **1**. Garylmak, garyşyp gitmek, garyşyp goşulyşmak. *Ekiniň ysy golaýdaky mal ýataklaryň ysy bilen garjaşyp, burna uranda, ol hoşal boldy* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Bulam-bujar bolmak, garym-gatym bolmak, bulaşmak. *Onuň pikiri garjaşyp, näme etjegini bilmedi.*

◊ **Başyň garjaşmak** pikiriň bulaşmak, ederiňi bilmezlik, başyň çaşmak.

**GARJAŞYK** [ga:rjaşyk], *syp.* Bulaşyk. *Wepanyň oňa beren tabşyrygy hem garjaşyk söweş wagtyndan peýdalanyp, bölümi çaltlyk bilen şol beýiklige göçürip taýýarlanmakdy* (A. Gowşudow). **2**. Garym-gatym,

bulaşyk; çolaşyk, aýdyň däl. *Permany garjaşyk pikir basýardy.*

**GARJATMAK** [ga:rjatmak], *işl.* Bir zady başga bir zat bilen gardyrmak.

**GARJAÝÝŞ** [ga:rjaýýş], *iş ady.* Garjamak ýagdaýy.

**GARJYMAK** [ga:rjymak], *syp.,ser.* **Garyljyk**. *Kimdir biriniň garjymak sesi eşidildi*.

**GARK I**: **gark bolmak 1)** suwa çümüp, çykyp bilmän ölmek. **2**) göç.m. bir zadyň jümmüşinde bolmak, bir zat gurşap, gaplap almak. *Hyrçyny dişledi-de, pikir derýasyna gark boldy*. **Gark etmek 1)** suwuň düýbüne çümdürmek, suwa gidermek; suwa batyryp öldürmek. **2)** halys doýurmak, basdyryp suwarmak, agzy-burny bilen dolduryp suw tutmak. *Gije suw tutup, mellegini suwa gark edipdir*.

**GARK II: gark urmak** güýçli üsgürmek, gaty köp üsgürmek. *Gark urup, gaflatda ýatma, näzli dildarym, oýan* (Mollanepes).

**GARK-GARK**, *s. ş. aňl. söz.* Gaz, ördek we ş.m. guşlar yzly-yzyna garkyldanda çykýan sesler.

**GARKYLDAMA** [garkyllama], *iş ady.* Garkyldamak ýagdaýy.

**GARKYLDAMAK** [garkyllamak], *işl.* Gark-gark edip seslenmek. *Kölünde garkyldar guba gazlary* ("Saýatly – Hemra"). *Çeşmimiň kölünde garkyldap ýüzer, Ýaşylbaş sonaly gazlaryň seniň* (Halk aýdymyndan).

**GARKYLDAMAKLYK** [garkyllamaklyk], *iş ady.* Garkyldamak ýagdaýy.

**GARKYLDAMAZLYK** [garkyllamazlyk], *iş ady.* Garkyldyly ses çykarmazlyk.

**GARKYLDAŞMAK** [garkyllaşmak], *işl.* Köp bolup garkyldamak, garkyldyly seslenişmek. *Garkyldaşyp gezen hoş owaz bilen, Ýaşylbaş sonalar köle myhmandyr* (Magtymguly).

**GARKYLDAŞYŞ** [garkyllaşyş], *iş ady.* Garkyldamak ýagdaýy.

**GARKYLDY** [garkylly], *at.* Gaz, ördek we ş.m. guşlar gygyranda çykýan sesiň ady.

**GARLA**, *at.* Çylşyrymly güllüler maşgalasyna degişli bolup, boýy 10-30 sm-e ýetýän, tüýjümek baldakly, insiz uzyn ýaprakly köpýyllyk ot.

**GARLAWAÇ** [garlowa:ç], *at.* Serçeler toparyndan bolup, inçeden uzyn gaýçyguýruk, çalt uçýan, petekesi akja garaja guş.

**GARLY** [ga:rly], *syp.* **1**. Üstüne gar ýagan, gary bar. *Indi mundan Çandybile gider men, Söweş eýläp garly dagdan öter men* ("Görogly"). **2**. Oglana dakylýan at.

**GARLYK** [ga:rlyk], *at.* **1**. Garyň köp ýagan, düşen ýeri. *Görsek daş-töwerek çym-ak, ýagty we garlykdy.* **2**. Oba ady.

**GARMA** [ga:rma] **I,** *iş ady.* **1**. Garmak ýagdaýy. **2**. Ýagda gowrulan etiň üstünden gerekli möçberde suw guýlup, tüwi atylandan soň et bilen tüwi garylyp buglanýan palaw. *Garly gün garma, ýagyşly gün ýarma* (Atalar sözi). *Bir uly kersen garmany garnyna gapgardy* ("Görogly").

**GARMA** [ga:rma] **II**: **garma** don erşi gyzyl ýüpden, argajy gara ýüplükden edilip, elde dokalan mata we şol matadan tikilen don. *Onuň egninde garma don, başynda bolsa gara silkme telpegi bar*.

**GARMA-GÜRMELIK** [ga:rma-ğürmölük], *at.* Adamlaryň bir zada gümra bolup duran wagty, bir iş bilen meşgullanyp duran wagty, gara başyna gaý bolup duran pursady. *Olar garma-gürmelikde itenekde-çomanak bolşup dargaşyp gitdiler* (S. Myradow).

**GARMAK** [ga:rmak], *işl.* Bir zady ikinji bir zat bilen garyşdyrmak, birleşdirmek; bir zadyň üstüne ikinji bir zady goşup, çemçe, susak, kepgir we ş.m. bilen bulamak ýa-da suwuk zatlary çaýkamak.

◊ **Guma garmak** güýç synanyşýan adamlaryň biri beýlekisini ýere ýykyp, üst-başyny guma bulamak. **Guma garylmak** ölüp-ýitip gitmek.*"Adam pahyr iň soňunda guma garylmaly" diýip, atasy pahyr gürrüň bererdi*.

**GARMAKLYK** [ga:rmaklyk], *iş ady.* Garmak ýagdaýy.

**GARMAZLYK** [ga:rmazlyk], *iş ady.* Garmak işi ýerine ýetirilmezlik.

**GARMON** [garmo:n], *at, sazç*. Klawişli we ýygyrt-ýygyrt sanaçly saz guraly.

**GARNALMAK**, *işl.* Öldürilen malyň garny dilnip, iç goşy çykarylmak. *Goýun garnaldy*.

**GARNAMA**, *iş ady.* Garnamak ýagdaýy.

**GARNAMAK**, *işl.* Öldürilen malyň garnyny dilip, iç goşuny çykarmak.

**GARNAMAKLYK**, *iş ady.* Garnamak ýagdaýy.

**GARNAŞDYRMAK**, *işl.* Öldürilen mallaryň garynlaryny dilişdirip, iç goşlaryny çykaryşdyrmak, garnap çykmak.

**GARNAŞMAK**, *işl.* Bilelikde garnamak; garnamaga kömekleşmek.

**GARNAŞYŞ**, *iş ady.* Garnamak ýagdaýy.

**GARNATMAK**, *işl.* Öldürilen malyň garnyny dildirip, iç goşuny çykartmak.

**GARNAÝÝÇ**, *at.* Togalajyk kökünden süýde meňzeş suwuklyk çykarýan dag ösümligi.

**GARNUW** [ga:rnuw], *at.* Garyndy, goşant.

**GARNUWLY** [ga:rnuwly], *syp.* Garyndysy bar bolan, goşant goşulan, garyndyly. *Garnuwly ýüpek mata.*

**GARNUWSYZ** [ga:rnuwsuz], *syp.* Garyndysy bolmadyk, goşant goşulmadyk, sap, arassa. *Garnuwsyz ahal-teke tohum atlary.*

**GARPYŞDYRMAK**, *işl.* Iki adamy biri-biri bilen dawalaşdyrmak, uruşdyrmak, jedelleşdirmek. *Adamlary biri-biri bilen garpyşdyrmak bolmaz.*

**GARPYŞMA**, *iş ady.* Garpyşmak ýagdaýy.

**GARPYŞMAK**, *işl.* **1**. Uruşmak, dikleşmek, geýdirilişmek. *Garpyşyp ýatanlaryň biriniň boglup zordan dem alýandygy eşidildi* (B. Annageldiýew). **2**. Biri-biriniň boýnundan gol salyşmak, gujaklaşmak. *Birden iki göwre biri-birine garpyşdy, teşne dodaklar gyzgyn ýaňaklara ýapyşdy* ("Garagum").

**GARPYŞMAKLYK**, *iş ady.* Garpyşmak ýagdaýy.

**GARPYŞYK**, *at.* Salşyk, dikleşik, tutluşyk, çaknyşyk. *Her bir garpyşyk olardan haýsy-da bolsa birini dünýä azabyndan dyndaryp biljekdi* ("Edebiýat we sungat").

**GARPYŞYKLY**, *syp.* Çaknyşykly, salşykly, tutluşykly. *Garpyşykly uruş tutaşypdyr.*

**GARPYŞYŞ**, *iş ady.* Garpyşmak ýagdaýy.

**GARPYZ**, *at.* **1**. Pazyly ýere ýazylyp ösýän bakja ekini. **2**. Şol ekiniň içi çigitli, iri, togalak, süýri süýji hasyly. *Bir elde iki garpyz tutdurmaz* (Nakyl). *Şeýle-de bolsa, garpyzyň bir ýerinden sümmül almasaň ýa iki ýarmasaň, onuň içiniň gyzyldygyny, sarydygyny daşyndan saýgarmak mümkin däl* (B. Kerbabaýew).

◊ **Ýarylmadyk garpyz** gylyk-häsiýetiniň nähilidigi belli däl. *Adam diýeniň bir ýarylmadyk garpyzdyr, iş salşyp görmeseň, onuň nähilidigini bilmek kyn*.

**GARRA**: **garra bolmak** men-menlik etmek, buýsanmak, tekepbirlik etmek. *Galmamyş bu köne dünýä Rüstem ile Zalyňa, Garra bolma iki günlük iýgu-içgi malyňa* (Magtymguly).

**GARRALMAK**, *işl.* Garrap başlamak, garry ýagdaýyna ýetilmek, gartaşmak.

**GARRAMA**, *iş ady.* Garramak ýagdaýy.

**GARRAMAK**, *işl.* **1**. Garry hala ýetmek, garry bolmak, ýaşyň könelişmek. **2**. *göç. m.* Ýygyrt-ýygyrt bolmak, gasyn atmak (uzak wagt suwda bolan eliň, aýagyň hamy hakda).

**GARRAMAKLYK**, *iş ady.* Garramak ýagdaýy.

**GARRAMAZLYK**, *iş ady.* **1**. Garry hala ýetmezlik, ýaşyň könelişmezlik. *Ýaşlyk senden açdygyça arany, Garramadyň, gaýta barha ýigdeldiň* (M. Seýidow). **2**. *göç.m.* Ýygyrt-ýygyrt bolmazlyk (uzak wagt suwda bolan eliň, aýagyň hamy hakda). *Gelniň eli suwdan çykmasa-da, hiç eli garramazdy*.

**GARRAŞMAK**, *işl.* Garrylyk ýagdaýyna ýetişmek, garry bolup başlamak, ýaş könelişmek. *Öňküligi ýok, birneme garraşypdyr* ("Edebiýat we sungat").

**GARRATMAK**, *işl.* **1**. Garry hala getirmek, garry etmek. *Ony garly gyşlar asla garratmaz* (A. Kowusow). *Ogluňy garratmak hyýalyň bolmasa, gelinlik gözlemegiň ugruna çykaly* (B. Pürliýew). **2**. *göç.m.* Ýygyrt-ýygyrt etmek, gasynlatmak. *Gyzgyn suwa uzynly gün kir ýuwup, elimi garradypdyryn.*

**GARRAWSY** [garrowsy], *syp*. Daş sypaty garryrak, ýaş däl. *Meniň çak edişime görä, düýnki geleniň ýüz keşbi birneme garrawsy bolmaly.*

**GARRAÝYŞ**, *iş ady.* Garramak ýagdaýy.

**GARRY**, *syp.* **1**. Garrylyk ýaşyna ýeten, ýaşy könelişen, garran. *Iň bolmanda, hepdede bir günlük bir garry eneň ýanynda bol, balam!* (G. Gurbansähedow). **2**. Adam ady.

◊ **Garry gyz** wagtynda durmuşa çykmadyk, ýaşy ötüşen gyz. *Garry gyz adyny aldyň-la, balam! Bir wagt kemala geldiň-le, balam!* (Halk döredijiliginden).

**GARRY-GARTAŇ** [garry-ğartaň], *syp., ser.* **Garry-gurry**. *Garry-gartaňlar onuň bilen meýildeş bolsa, ýaş-ýeleňler ony geňirgeýärdiler* (B. Kerbabaýew).

**GARRY-GURRY** [garry-ğurry], *at.* Garry we garry hala ýeten adamlar, garry-gartaň. *Bu habary eşidip, bu ýerik bäşlän-üçlän garry-gurry adam ýygnanypdy* (B. Annageldiýew).

**GARRY-GURTY** [garry-ğurty], *at, ser.* **Garry-gurry**. *Toýa çaga-çuga, ýaş-ýeleň, garry-gurty diýmän, hemmesi çagyrylypdy*.

**GARRYGYZ** [garryğy:z], *at.* Giç bişýän, galyň paçak, daşy gasynly gyşa durýan gawun.

**GARRYLYK**, *at.* Garry halynda bolmaklyk, ýaşy könelişenlik, gojalyk. *Ýigitlik bossandyr, garrylyk – hazan, Bossany hazanga satyjy bolma* (Magtymguly).

◊ **Garrylyga ýüz urmak** gartaşyp başlamak, garrap başlamak, garrap ugramak.

**GARRYÝASAW** [garryýasow], *syp.* Öz ýaşyndan birneme garry görünýän, daş sypaty garra çalym edýän. *Ol ýaşyndan garryýasaw görünýär* (G. Şamyýew).

**GARS I**: **gars kakdyrmak** aldamak, aňňalak gapdyrmak.

**GARS II**, *s. ş. aňl. söz.* Birbada atylan tüpeňiň sesi.

**GARSA**: **garsa gujaklamak** birine duşan badyňa ony gujaklamak, şol bada gujaklamak, gujagyňa gysmak.

**GARSAK I,** *at.* Gysga aýakly, gymmatbaha derili, tilki çagasyna çalymdaş kiçijik çöl haýwany. *On bäş ýyl oturdym, gyşladym mülki, Gyrynda garsagy, dagynda tilki* (Hatam şahyr).

◊ **Garsak ýaly** gysgajyk (adam hakda).

**GARSAK II**, *at.* Gyzlaryň bäş sany togalajyk daşy oklap hem gapyp oýnaýan oýny, bäşdaş oýny. *Gyzlar garsak oýnaýardylar.*

**GARS-GARS** [gars-ğars] **I**, *s. ş. aňl. söz.* Kiçi ýarag yzly-yzyna atylanda çykýan ses. *Yzly-yzyna atylýan tüpeňleriň gars-gars sesi eşidildi.*

**GARS-GARS** [gars-ğars] **II**: **gars-gars gaşanmak** öz teniňi yzly-yzyna penjäň bilen gaşamak.

**GARSYLDAMA** [garsyllama], *iş ady.* Garsyldamak ýagdaýy.

**GARSYLDAMAK** [garsyllamak], *işl.* Garsyldyly ses bilen atylmak. *Tüpeňiň mäşesinden çekdim weli, garsyldap gitdi.*

**GARSYLDAMAKLYK** [garsyllamaklyk], *iş ady.* Garsyldamak ýagdaýy.

**GARSYLDATMAK** [garsyllatmak], *işl.* Atylýan ýaragdan garsyldyly ses çykarmak. *Ol nyşana çenedi we garsyldadyp goýberdi.*

**GARSYLDAÝYŞ** [garsyllaýyş], *iş ady.* Garsyldamak ýagdaýy.

**GARSYLDY** [garsylly], *at.* Kiçi ýarag atylanda çykýan sesiň ady. *Ol garsyldynyň haýsy tarapdan çykandygyny biljek boldy.*

**GARSYNMAK**, *işl., ser.* **Garzynmak 1**. *Olaryň biri endamy ot alyp barýan ýaly garsynýardy.*

**GARŞA** [garşa:], *at.* Gelinlik gyz alyp, ýerine gyz bermek däbi. *Gyzy ýetişse, garşa edip, ogluny öýermekçidi.*

**GARŞY**, *at, hal.* **1**. Biriniň ýa bir zadyň öň tarapy, maňlaý tarapy, alyny. *Obanyň gabat garşysyndan derýa akyp ýatyr.* **2**. Bir zadyň tersine, ugruna däl. *Akymyň garşysyna ýüzmek. Ynsabyň garşysyna hereket etmek.* **3**. Birini ýa-da bir zady ýok etmek, ýeňmek üçin. *Dümewe garşy derman.* **4**. *hal*. Gaýta-gaýta, birsyhly, zol. *Sen garşy sorap durma-da, özüň okap biljek bol.* **5**. Bir ýere tarap, baka. *Görogly öz hüjresine garşy gidiberdi* ("Görogly"). **6**. Ylalaşmaýaryn. *Men seniň teklibiňe garşy.*

◊ **Garşy almak** birini kabul etmek; öňünden çykyp garşylamak. **Garşy bolmak (durmak, çykmak)** biriniň pikiri, hereketi bilen razylaşman, onuň pikirine ters hereket etmek, garşylyk görkezmek.

**GARŞYDAŞ**, *syp.* **1**. Biri-biriniň garşysynda bolan, ýüzbe-ýüz bolan, garşyma-garşy duran. *Olaryň garşydaş oturan goňşulary jaý toýy edýär.* **2**. Göreşde, ýaryşda we ş.m. garşyňa çykyş edýän bäsdeş, ýaryşdaş.

**GARŞY-GARŞY** [garşy-ğarşy], *hal.* Öwran-öwran, zol-zol, gaýta-gaýta, telim gezek, telim ýola, her sapar. *Bulançak suwdan dolan oýtumlarda sürüji garşy-garşy maşyny ýuwaşadyp, aýlanyp geçýärdi.*

**GARŞYLAMA**, *iş ady.* Garşylamak ýagdaýy.

**GARŞYLAMAK**, *işl.* **1**. Biriniň öňünden çykyp, hormat bilen kabul etmek, garşy almak. *Gözel-de ony görenden ýylgyryp garşylady* (A. Durdyýew). **2**. Bir sene mynasybetli toý tutmak, baýram etmek ýa-da şol senäni dabaralandyrmak, bellemek. *Täze ýyly garşylamak. Biz Nowruz baýramyny özli-özümiz bolup, öýde garşyladyk.*

**GARŞYLAMAKLYK**, *iş ady.* Garşylamak ýagdaýy.

**GARŞYLAMAZLYK**, *iş ady.* Garşy almazlyk.

**GARŞYLANMAK**, *işl.* Garşy alynmak, öňünden çykylmak. *Myhmanlar şatlyk bilen garşylandy* ("Edebiýat we sungat").

**GARŞYLAŞMAK**, *işl.* Biri-biriňe garşy gelmek, gabat,duş gelmek, duşuşmak. *Ilki hanlar garşylaşyp duranda, Orta ýerde okun döker gaça-gaç* ("Görogly").

**GARŞYLATMAK**, *işl.* Başga birine garşy aldyrmak. *Myhmany oňat garşylatmaly*.

**GARŞYLAÝYŞ**, *iş ady.* Garşylamak ýagdaýy.

**GARŞYLYK**, *at.* **1**. Garşy ýagdaýda bolmaklyk. **2**. Öz garşyňa edilýän herekete, hüjüme berilýän gaýtawul, gaýtargy. *Jigitlerden garşylyk bolmady* (H. Derýaýew). **3**. Bir zady amala aşyrmakda ýüze çykýan päsgelçilik, böwet, şowsuzlyk. *Eýsem-de bolsa, öz öňünde birnäçe garşylygyň boljagy ony biraz suslandyrdy* (B. Kerbabaýew). **4**. *Garşylyk* sözüniň soňundan *bildirmek, görkezmek* ýaly işlikler gelip, düzümli işlik ýasalýar: **Garşylyk bildirmek** bir zada garşydygyňy aňlatmak, aýan etmek. *Ol çürt-kesik garşylyk bildirdi.* **Garşylyk görkezmek** biriniň niýetine garşydygyňy öz hereketiň bilen tassyklamak, subut etmek. *Leýla oňa näzli garap, sypaýyçylyk bilen garşylyk görkezdi* (G. Kulyýew).

**GARŞYLYKLAÝYN**, *hal*. Iki tarapdan biri-biriniň garşysyna. *Garşylyklaýyn hüjüm*.

**GARŞYLYKLY**, *syp.* **1**. Bir zada gaýtargy, gaýtawul görnüşli. *Ol hem öz gezeginde oňa garşylykly sorag berdi. Onuň içki dünýäsinde garşylykly söweş gidýärdi* (B. Seýtäkow). **2**. Iki taraplaýyn, iki taraply ýüze çykýan. *Garşylykly hüjüme geçmek*. **3**. Biri-biriniň garşysyndaky deşik ýerleriň, açyk duran penjiredir gapylaryň biri-biriniň içinden geçýän (howa akymy hakynda). *Garşylykly şemalda oturyp, birneme üşäpdirin*.

**GARŞYLYKSYZ**, *syp.* Garşylyk görkezmän, hiç hili päsgelsiz, gaýtawulsyz. *Garşylyksyz boýun egmek.*

**GARŞYMA-GARŞY** [garşyma-ğarşy], *hal.* Biri-birine bakyp, ýüzbe-ýüz. *Biz garşyma-garşy oturyp, köp gürrüňiň başyny agyrtdyk.*

**GART**, *syp., kön.s.* Garry.

**GARTAŇ**, *syp.* Garrap başlan, ýaş däl, orta ýaşdan geçip, garrylyga ýüz uran. *Gartaň aýal*.

**GARTAŇLYK I**, *at*. Gartaň halda bolmaklyk.

**GARTAŞMAK**, *işl.* Garrap başlamak. *Namys üçin gartaşan är, Ýigdelipdir, gör, daýandy* (Magtymguly).

**GART-GART**: **gart-gart gazanmak** azap çekip, kynlyk bilen gazanmak. *Gart-gart gazandy, galtamanlar gönendi* (Nakyl).

**GARTMAÇ**, *syp.* Hakyky ýaşyndan garry görünýän, garryrak, garryýasaw. *Ýabşynyp üýrýän itiň sesini goýduryp, bir gartmaç adam gapyny açdy* (Ý. Mämmediýew).

**GARTMAJRAK** [gartmajyra:k], *syp.* Gaty garry däl, garryrak. *Ol gartmajrak görünýär.*

**GARTMAN**, *syp., kön.s.* Garryrak, gartaňrak.

**GARY**, *at.* **1**. Geçi, goýun, it ýaly haýwanyň iki öň golunyň injik süňki we dyzdan syňraga, penjä çenli bolan aralyk. *Göwnüme bolmasa, Garakelle möjeklere goýun aldyranyny gaty namys edýän ýalydy, garysyny ýassanyp, sus ýatyrdy* (B. Annageldiýew). **2**. Ýarym gulaja barabar ölçeg birligi. *Dünýä ýygan gider emlägin goýup, Geýip gider alty gary bizleri* (Seýdi). *Balyklar möwç urar derýa teýinde, Bäş gary tirmesi bardyr bilinde* (Zelili).

◊ **Garyňa daýanmak** öz güýjüňe, gaýratyňa daýanmak, gaýrata galmak, özüňe gerek işi özüň etmek, her bir zada hötde gelmek. *Indi biz öz garymyza daýanmaly*. **Garyňa galmak** ýatan ýeriňden tirsegiňe galmak, göwräňi ýerden çala galdyrmak.

**GARYLJYK** [garyljyk], *syp.* Boguk, açyk bolmadyk, garyşyk, gyryk (ses hakynda). *Akmaýanyň garyljyk sesi oňa öz otagyna baranda-da eşidilýärdi* (B. Kerbabaýew).

**GARYLMAK** [ga:rylmak], *işl.* **1**. Biri-birine gatyşdyrmak, garyşdyrmak. **2**. *göç.m.* Ýakmaz zat iýip ýa-da gaty ýadap kesellemek (guş, at hakynda).

◊ **Guma garylmak 1**) bir zat ýere gaçyp, gum bilen garyşyp gitmek. **2**) ölmek, ölup-ýitip gitmek. *Niçe ýitirim boldy, guma garyldy, Sen gaflat öýünde ýatdyň, Zelili* (Seýdi).

**GARYM**, *at.* **1**. Päsgelçilik hem-de uruş hereketleri wagtynda gizlenmek üçin giň we uzyn edilip gazylýan çukur. **2**. Gök otdan taýýarlanan iým we ş.m. üçin gazylan çukur. *Silos etmek üçin ýörite taýýarlanyp goýlan garymlar göz öňüne gelýärdi* (B. Pürliýew). **3**. Sowuga çydamsyz agaçlaryň nahallary ekilen çukur.

◊ **Garymyny gazmak** bir zadyň öňünden aladasyny etmek, alajyny görmek, gamyny iýmek. *Men görüljek çäräniň öňünden garymyny gazyp goýandyryn* (A. Gowşudow).

**GARYM-GATYM** [ga:rym-ğatym], *syp.* Biri-birine garyşyp giden, bulam-bujar bolan, gatyşan.

**GARYM-GATYMLYK** [ga:rym-ğatymlyk], *at.* Biri-birine garyşyp giden ýagdaýda bolmaklyk, bulam-bujarlyk. *Gumuň eteklerinde kiçijik tamlar, küňreli howlular garym-gatymlykda seleňläp durardylar* (B. Seýtäkow).

**GARYN I**, *at.* **1**. Içinde aşgazan, içege ýaly iýmit siňdiriji organlar ýerleşýän beden agzasy. **2**. Goýun-geçiniň şol agzasynyň arassalanyp, içine gowurma, çig et salnan görnüşi.

◊ **Garny çekilmek** horlanmak, inçelmek. *Atlaryň garynlary-da tazynyňky ýaly çekilipdi.* **Garnyň gowzamak** içiň boşamak, açlygyňy duýmak, ajykmak. **Garnyňy otarmak** iýip-içmek, naharlanmak. *Myhmançylyga gidip, garnyňy otarmak.* **Garnyňy ýazmak** pugta doýmak, gerk-gäbe bolmak. *Gyltyza kowalaşýan goýun garnyny ýazyp bilmän, gaýta kem-kemden horlanyp başlady.* **Garny ýasy** garny uly, garynlak. **Garyn bolmak** ýabyň suw çekişi, akdyryş derejesiniň bozulmak ýagdaýy, suw akman, çişip durmak ýagdaýy.

**GARYN II**, *at, kön.s.* Üç müçe ýa-da 36 ýyla barabar wagt aralygy.

**GARYNDAŞ** [garynnaş], *at.* Asly bir ata-babadan önüp-ösen adamlar, gandüşer, ýakyn hossar.

◊ **Garyndaş diller** gelip çykyşlarynyň umumylygy bilen häsiýetlenýän diller.

**GARYNDAŞLYK** [garynnaşlyk], *at.* **1**. Adamlaryň biri-birine bolan gandüşer ýakynlygy, ýakyn hossarlyk. **2**. Esasy häsiýetleri, alamatlary boýunça meňzeşlik; gelip çykyşynyň umumylygy bilen şertlenen ýakynlyk. *Türkmen diliniň türk, azerbaýjan, özbek, gazak, gyrgyz, tatar, garagalpak dilleri bilen garyndaşlygy.*

**GARYNDAŞSYRAMAK** [garynnaşsyramak], *işl.* Ýakyn hossar, garyndaş bolan bolmak, özüňi ýakyn garyndaş edip görkezjek bolmak. *Ol çäkmeniniň syýy bilen derlerini süpürişdirip, gadyrly garyndaşsyrady* (N. Pomma).

**GARYNDY** [ga:rynny], *at.* Dürli görnüşli jisimleriň garylan birikmesi. *Gowaçalary azyndan bäş gezek suwarýarys, üç gezek bolsa ýerli dökünleriň garyndysy bilen dökünleýäris.*

**GARYNDYLY** [ga:rynnyly], *syp.* Sap bolmadyk, arassa däl, garyndy goşulan. *Hek garyndyly toýun.*

**GARYNDYSYZ** [ga:rynnysyz], *syp.* Garyndysy bolmadyk, sap, arassa. *Garyndysyz altyn.*

**GARYNJA**, *at.* Ýuka ganatly ýa-da ganatsyz, topar bolup ýaşaýan owunjak möjejik. *Garynja gara günde, gurbaga saz bilen söhbetde* (Nakyl).

◊ **Garynjanyň hinine dönmek (meňzemek)** örän köp adam girip çykmak. **Garynja ukusy** ýüpek gurçugynyň ilkinji ukusy.

**GARYNJA** [ga:rynja], *at.* Garnuw.

**GARYNJALYK**, *at.* Garynjanyň köp ýeri, garynjanyň köp bolan ýyly. *Garynjalyk ýyly.*

**GARYNLAK**, *syp.* Uly garynly, garny ýasy.

**GARYNSA**, *at.* Köplenç, düýäniň garnynyň aşagyna tutulýan mata.

**GARYNSALAMA**, *iş ady.* Garynsalamak işi.

**GARYNSALAMAK**, *işl.* Düýäniň garnynyň aşagyna garynsa tutmak. *Çybyndan goramak üçin düýäniň garnyny garynsalamaly bolýardy.*

**GARYNSALAMAKLYK**, *iş ady.* Garynsalamak ýagdaýy.

**GARYNSALANMAK**, *işl.* Garynsa tutulmak. *Düýe garynsalandy.*

**GARYNSALATMAK**, *işl.* **1**. Garynsalamak işini başga birine etdirmek, garynsa tutdurmak. *Ol düýäni örä kowmazdan öň garynsalatdy.* **2**. Garynsalamaga

mümkinçilik bermek, ýol bermek. *Düýämiz-ä gaty betdir, garynsaladaýsa ne ýagşy*.

**GARYNSALAÝÝŞ**, *iş ady.* Garynsalamak işi.

**GARYNÝARYK** [garynýa:ryk], *at.* Alabaharda gögerýän ak güllüje ot.

**GARYP** [gary:p], *syp.* **1**. Ykdysady taýdan mätäçlik çekýän, ýeterlik üpjünçiligi bolmadyk adam. **2**. Nämede bolsa bir zada mätäç. **3**. Çet ýurda düşen, mysapyr. *Men bir garyp, ýat ülkede neýlerem, Akyp, gözde ýaşym döndi sillere* ("Saýatly – Hemra"). *Hiç kişi men deýin garyp bolmasyn, Garyplykda reňgi-roýy solmasyn* ("Melike – Dilaram").

◊ **Garyp düşmek** malsyz-mülksüz galyp garyplaşmak, garyp güne sataşmak.

**GARYPGALDYRAN** [gary:pgallyran], *at.* Ir ýetişýän ownuk gawun.

**GARYP-GASAR** [gary:p-gasar], *at.* Garyp, ýeter-ýetmez güzeran görýänler.

**GARYP-GASARLYK** [gary:p-gasarlyk], *at.* Garyplyk, garyp-pukaralyk ýagdaýy, hor-homsulyk ýagdaýy.

**GARYPKÖŞE** [gary:pkö:şö], *at.* Çuwalyň aşak burçundaky ýeke köşe.

**GARYPLAŞMA** [gary:plaşma], *iş ady.* Garyplaşmak ýagdaýy.

**GARYPLAŞMAK** [gary:plaşmak], *işl.* Kem-kemden ykdysady taýdan mätäçlige uçramak, garyplyk derejesine ýetmek, garyp bolmak, garyp düşmek.

**GARYPLAŞMAKLYK** [gary:plaşmaklyk], *iş ady.* Garyplaşmak ýagdaýy.

**GARYPLYK** [gary:plyk], *at.* **1**. Garybyň hal-ýagdaýy, maddy taýdan mätäçlik, ýeter-ýetmez gün-güzeran. **2**. *göç.m.* Aň-düşünje taýdan ýetmezlik, pes düşünjelilik. *Gözýetimiň garyplygy.*

**GARYŞ**, *at.* Başam barmak bilen külbikäniň arasy gerlendäki aralyk we şol aralykdaky uzynlyk ölçegi. *Gulaç ýetmese – ýüpden, garyş ýetmese – ýigitden* (Nakyl).

◊ **Garyş boýly** pes boýly, girdenek. *Garyş boýly, sere satan, Mätäjidir äriň, gelin* (Mätäji).

**GARYŞDYRMAK** [ga:ryşdyrmak], *işl.* **1**. Biri-birine garmak, bir zady beýleki zat bilen gatyşdyrmak, bulaşdyrmak. *Käbir işgärleriň sowuk-salalyk edip, kabul edilýän pileleriň hillerini garyşdyraýmaklary mümkin* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *ser.* **Gatyşdyrmak**. *Ýok, sen bu ýerde düýpden ugurdaş bolmadyk iki sany meseläni garyşdyrýarsyň* ("Edebiýat we sungat").

**GARYŞDYRMAZLYK** [ga:ryşdyrmazlyk], *iş ady.* Garyşmagyna we garyşdyrmagyna ýol bermezlik.

**GARYŞLAMA**, *iş ady.* Garyşlamak ýagdaýy.

**GARYŞLAMAK**, *işl.* Garyş bilen ölçemek, garyş arkaly uzynlygyny, inini anyklamak. *Ol iň aşaky pagsany garyşlap gördi.*

**GARYŞLAMAKLYK**, *iş ady.* Garyşlamak ýagdaýy.

**GARYŞLANMAK**, *işl.* Garyş bilen ölçelmek. *Halyň boýy, ini garyşlandy.*

**GARYŞLATMAK**, *işl.* Garyş bilen ölçetmek. *Ýüpüň uzynlygyny garyşlatmak.*

**GARYŞLAÝÝŞ**, *iş ady.* Garyşlamak ýagdaýy.

**GARYŞMA** [ga:ryşma], *iş ady.* Garyşmak ýagdaýy.

**GARYŞMAK** [ga:ryşmak], *işl.* **1**. Bir zat ikinji bir zada garylmak, gatyşmak. *Suwuň üstüne ýag guýsaň, olar hiç garyşmaýar*. **2**. Bir işe, waka gatyşmak, goşulmak. *Oýna garyşanyňy özüňem duýman galýarsyň.* **3**. Biri beýlekisine gatyşyp, bulam-bujar bolmak. *Güýzlük ýüň bilen ýazlyk ýüň garyşypdyr.* **4**. Öwrenişmek, uýgunlaşmak, gatyşyp-garyşmak. *Täze gelen gelin derrew gaýyn ýeri bilen gatyşyp gidiberdi*. **5**. *sazç.* Sazlaşmak, sazlaşyk bolmak. *Gyjak bilen tamdyra ilki başda biri-biri bilen sögüşjek ýaly etse-de, basym olaryň owazy alaçaly ýag ýaly garyşdy* (B. Kerbabaýew).

**GARYŞYKLYK** [ga:ryşyklyk], *at.* Garyşyk ýagdaý, garym-gatymlyk.

**GARZYNMAK,** *işl.* Gars-gars edip gaty gaşanmak.

◊ **Gars-gars garzynmak** öleriňi-galaryňy bilmän, hars urup işlemek.

**GASDYRMAK** [gassyrmak], *işl.* Gasyn-gasyn edip tikdirmek, epip tikdirmek. *Telpegiň gyrasyny gasdyrmak. Köýnegiň bilini gasdyrmak.*

**GASMA**, *iş ady.* Gasmak ýagdaýy.

**GASMAK**, *işl.* **1**. Gasyn-gasyn edip tikmek, ýygryp tikmek. *Çarygy gasyp tikmek*. **2**. *gepl. d.* Köýnek, balak we ş. m. zatlaryň etegini, gyrasyny epläp depjemek, kök atmak, tikmek.*Köýnegiň etegini gasmak*. **3**. Tahýany, telpegi we ş.m. ulurak bolýan geýimi içinden tikip daraltmak.

**GASMAZLYK**, *iş ady.* Gasmak işini ýerine ýetirmezlik.

**GASŇAK I**, *at.* Arabanyň tigriniň gurşawyny berkidýän demir.

**GASŇAK II**, *at.* Gat-gat kir, gasyn-gasyn kesmek.

**GASŇAK III**, *at.* Daşyna jykyr golçalary daňylýan iň uly çarh.

**GASŇAKLAMAK I,** *işl.* Arabanyň tigriniň gurşawyny gasňak bilen berkitmek.

**GASŇAKLAMAK II**, *işl.* Gat-gat kir tutmak, gasňak baglamak, bir zadyň ýüzi kesmek baglamak.

**GASSAP** [gassa:p], *at.* Mal öldürýän ýa-da et satmak bilen meşgul bolýan adam. *Öhhe-öhhe bogazym, Gassap gyzy doganym, Aşyk ýaly ýag berse, Açylyp gider bogazym* (Läle). *Gassap tanşyna süňk berer* (Nakyl).

**GASSAPÇYLYK** [gasssa:pçylyk], *at.* Gassaplyk hünäri, gassabyň käri.

**GASSAPHANA** [gassaphana], *at.* Mal soýulýan ýörite jaý.

**GASSAPLYK** [gassa:plyk], *at, ser.* **Gassapçylyk**.

**GASYK** [ga:syk], *at.* Garnyň aşak tarapynda iki ýanbaşyň aralygyndaky ýer.

**GASYN**, *at.* **1**. Bedeniň, ýüzüň derisinde emele gelýän ýygyrt. *Onuň maňlaýynyň saçy düşüpdir, gasynlar peýda bolupdyr* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Mata, geýim we ş.m. zatlaryň ýüzünde emele gelýän uzyn, inçe epin, eplem.

**GASYN-GASYN** [gasyn-ğasyn], *syp.* **1**. Ýygyrt-ýygyrt. *Men onuň gasyn-gasyn ýüzüne dikanlap seretdim* (B. Gulow). **2**. Epin-epin, eplem-eplem. *Bu sapar gonjy gasyn-gasyn ädigini çykaryp, ýaldyrawuk köwüş geýipdi* (B. Kerbabaýew).

**GASYNLAK**, *syp.* Gasyny köp, ýygyrt-ýygyrt. *Gasynlak ýüz.*

**GASYNLAMAK**, *işl.* Gasyn emele gelmek, ýygyrt atmak, ýygyrt-ýygyrt bolmak. *Gasynlan ýüz*.

**GASYŞDYRMAK**, *işl.* **1**. Gasyn-gasyn edip tikişdirmek. *Ýeňiň agzyny gasyşdyryp tikmek.* **2**. *gepl.d.* Bolar-bolmaz edip tikişdirmek, kök atyşdyrmak.

**GAŞ** [ga:ş] **I**, *at.* **1**. Göz aýtymynyň üstündäki ýaý kimin gyýlyp duran gür tüý we şonuň duran ýeri. **2**. Ýöneliş, wagt-orun, çykyş düşümlerde sözsoňy kömekçi hyzmatyny ýerine ýetirip, "edil öňüne, edil öňünde, edil öňünden" manylarynda, köplenç, adam bilen bagly ýagdaýda ulanylýar. *Biriniň gaşyna geçip oturmak gelşiklimikän?*

◊ **Gaş bejerjek bolup**, **göz çykarmak** gowusyny etjek bolup bulaşdyrmak, az zady düzetjek bolup, zyýan ýetirmek. **Gaş çytmak** bir zada nägilediginiň, gaharyňy bildirmek, halamaýandygyňy, islemeýändigiňi ýüze çykarmak. *Sen ýylgyrsaň, bütin jahan maýlaýar, Gaşyň çytsaň, gyş gamçysyn aýlaýar* (M. Seýidow). **Gaş kakmak** göz-gaşyňy oýnatmak, gaşyňy hereket etdirip, göz güldürmek, göz-gaş oýnadyp yşarat etmek. *Misli jerendir böküşiň, Göz ümläp, gaşyň kakyşyň, Dolanyp, gyýa bakyşyň, Ýandyrdy, zalym, ýandyrdy* (Talyby).

**GAŞ** [ga:ş] **II**, *at.* **1**. *zergärç.* Bezeg şaýlaryň (ýüzügiň, gülýakanyň, bileziginiň we ş.m.) ýüzüne oturdylýan gymmatbaha daş. *Ýüwrük ýetmez uzagyna, Düşdüm pelek duzagyna, Meňli gyzyň ýüzügine, Gaşlar goýsam kümüş bile* (Magtymguly). **2**. Eýeriň öň tarapynda somalyp duran tommak tutar. *Indi biziň at çapanymyzdan-da geçen, eýeriň gaşyna berk ýapyşyp, başymyzy gutaryp bilsek, dünýäde başga armanymyz galmady* (N. Esenmyradow). **3**. Papagyň öň ýüzünde ýerleşip, maňlaýyň üstünden öňe uzap duran ýasy, gaty bölegi. *Papagyň gaşy.*

**GAŞAMA**, *iş ady.* Gaşamak ýagdaýy.

**GAŞAMAK**, *işl.* Gijeýän ýeriňi dyrnagyň bilen gazamak, dyrmalamak. *Utulan ýeňsesini gaşar* (Atalar sözi).

**GAŞAMAKLYK**, *iş ady.* Gaşamak ýagdaýy.

**GAŞANMAK**, *işl.* **1**. Gijeýän ýeriňi gaşamak. *Bir agaja baryp, gapdalyny oýkap gaşanypdyr we şonda gök sapaklar ilişip galypdyr* (Erteki). **2**. *gepl.d.* Bir zady almak üçin pul goşmak. – *Pulumyz ýetmejek bolýar, sen näme, gaşanjak dälmi?*

**GAŞAŞDYRMAK**, *işl.* Birnäçe gezek gaşamak, yzly-yzyna gaşamak.

**GAŞAŞMAK**, *işl.* **1**. Gaşamaga kömek etmek. *Kimdir biriniň arkasyny gaşaşmak.* **2**. Bilelikde gaşamak. *Oglanlar elleri gaşawly atlarynyň arkasyny gaşaşyp durdular.*

**GAŞATMAK**, *işl.* Birine teniň bir ýerini gaşamaga mejbur etmek, gaşamagyny gazanmak. *Aýu, Jemal, görensiň-le, Garyş boýly şo kelhany! Kellesini gaşatmaga Alýarmyşyn Ogullany* (K. Gurbannepesow).

**GAŞAW** [gaşow], *at.* Atyň endamyny gaşap arassalamak üçin çotga ýaly enjam, at daragy.

**GAŞAWLAMAK** [gaşowlomok], *işl.* Gaşaw bilen arassalamak.

**GAŞAWLANMAK** [gaşowlonmok], *işl.* Gaşaw bilen arassalanmak.

**GAŞAWLATMAK** [gaşowlotmok], *işl.* Gaşaw bilen arassalatmak.

**GAŞAÝYŞ** [gaşaýyş], *iş ady.* Gaşamak ýagdaýy.

**GAŞBA-GAŞ** [ga:şva-ğa:ş], *hal.* Ýüzbe-ýüz, garşyma-garşy, biri-birine bakyp, seredip duran, oturan. *Ikisi hem oturdylar gaşba-gaş, Ösüpdirler bir obada ýaşba-ýaş* (N. Pomma).

**GAŞ-GABAK** [ga:ş-ğa:vak], *at.* **1**. Gaş we gabak. *Hem seriňe gurbanam, Hem gaşy-gabagyňdan* (Aýdym) **2**. *göç.m.* Iň eziz, iň mähriban. *Meniň gözüm, gaş-gabagym, Aýlar jan!* (B. Kerbabaýew).

**GAŞLAK** [ga:şlak], *syp.* Gaşlarynyň arasy bitişip duran hüžžük gür gaşly.

**GAŞLAKLYK** [ga:şlaklyk], *at.* Gür gaşlylyk.

**GAŞLAMA** [ga:şlama], *iş ady.* Gaşlamak ýagdaýy.

**GAŞLAMAK** [ga:şlamak], *işl.* Bezeg şaýlaryna (ýüzüge, gülýaka, bilezige we ş.m.) gaş oturtmak, gaş goýmak. *Gülýakany gaşlamak.*

**GAŞLAMAKLYK** [ga:şlamaklyk], *iş ady.* Gaşlamak ýagdaýy.

**GAŞLAMAZLYK** [ga:şlamazlyk], *iş ady.* Gaş oturtmazlyk. *Entek ussa gülýakany gaşlamandy.*

**GAŞLAŞDYRMAK** [ga:şlaşdyrmak], *işl.* Gaşlap çykmak, ählisini gaşlamak, ählisine gaş oturtmak.

**GAŞLAŞMAK** [ga:şlaşmak], *işl.* **1**. Gaş goýmaga, oturtmaga kömek etmek. **2**. Bilelikde gaşlamak. *Ussanyň şägirtleri gülýakalary gaşlaşyp otyrdylar*.

**GAŞLATMAK** [ga:şlatmak], *işl.* Gaş goýdurmak. *Ýüzügi ussa gaşlatmak.*

**GAŞLAÝYŞ** [ga:şlaýyş], *iş ady.* Gaşlamak ýagdaýy, usuly.

**GAŞYNMAK**, *işl.*, *ser.* **Gaşanmak**.

**GAT**, *at.* **1**. Eplem. *Çykardy-da düwünçekden, Keteniniň gatyn açdy* (Ç. Aşyr). *Başlyk elindäki hatyň gatyny açyp görkezdi* (G. Gurbansähedow). **2**. Öýüň şol bir derejede ýerleşýän otaglarynyň hatary, mertebe. *Kawkaz köçesinden saga bakan aýlanýan bir ýerde ýeke gat tamly, bagly bir howly bardy* (B. Kerbabaýew). **3**. *ser.* **Gatlak**. *Ýedi gat ýer.*

◊ **Gatyny açmak** okap görmek. *Ol kitabyň gatyny açan adam däldi.*

**GATALMAK**, *işl.* **1**. Depgini batlanmak, güýçlenmek, güýjäp başlamak. *Ine, onsoň welin gyzyp başlaýar, Sözledigiçe sesi gatalýar* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Gidişi tizleşmek, çaltlaşmak. *Maşynyň gidişi barha gatalýardy.*

**GATALTMAK**, *işl.* **1**. Berkleşdirmek, gaýymlaşdyrmak. *Indiki ýyl okuwa gidýänçäm, açyk howada işläp, bedenimi gataltjak – diýip, Kyýas öz göwnündäkini aýtdy* (N. Jumaýew). **3**. Öňki derejesinden batlandyrmak, güýçlendirmek. *Ene sözüni mylaýymlyk bilen başlap, soňuny gataltdy* (N. Saryhanow). **4**. Tizlendirmek, çaltlandyrmak. *"Ýör, gatyrak, basymrak geçip gideli" diýip, barha ädimi gataltdy* (T. Taganow).

**GATAMA**, *iş ady.* Gatamak ýagdaýy.

**GATAMAK**, *işl.* **1**. Gaty hala öwrülmek, gurap berkemek, gaty bolmak. *Görýärmiň, üzümleriň düýbi gatap barýar* (B. Gulow). **2**. *göç.m.* Doňmak, doňup daşa dönmek. *Özleri bolsa buz ýaly bolup gatan aýaklaryny ýylatmak üçin, diwanhananyň öňündäki açyk meýdançada gezmeläp başladylar* (B. Seýtäkow). **3**. Sowukda üşäp ölmek. *Haýwanlaryň sowuga çydaman, gatap galanlary hem bar.*

**GATAMAKLYK**, *iş ady.* Gatamak ýagdaýy.

**GATAMAZLYK**, *iş ady.* Gaty hala öwrülmezlik.

**GATANÇ**, *at.* **1**. Toýa we ş.m. ýakyn adamlaryň berýän maddy goşandy. *Gurplurak adamlar tapdygyndan gatanç diýip, kimsi dowar, kimsi öküzçe eltdiler* ("Görogly"). **2**. Garyndy, garnuw. *Bu unuňda arpa gatanjy bar bolsa gerek.* **3**. Alamat, ýokundy. *Onuň hüňürdisiniň, hakykatdan-da, dogrulyk gatanjy bardy* (B. Kerbabaýew).

**GATAŇŇYR**, *at.* Zirkler maşgalasyna degişli, boýy 30-50 *sm-e* ýetýän, kösügi büdür-südür görnüşli togalagrak, baldagy ýapraksyz, düýpdäki ýapraklary per şekilli, dilik-dilik, gülleri sary-gülgüne reňkli, ýukajyk gabykly, pökgüje gozasy bolan köpýyllyk otjumak ösümlik.

**GATAŇSY**, *syp.* Birneme gatap başlan, onçakly ýumşak bolmadyk. *Gataňsy ýer.*

**GATAŇSYRAK** [gataňsyra:k], *syp.* Az-kem gataňsy. *Begenç gataňsyrak bir ýere pilini dürtdi* (B. Kerbabaýew).

**GATATMAK**, *işl.* Bir zady gaty halyna öwürmek, gatylyk derejesine ýetirmek. *Ýeri aýagyň bilen basalap gatatmak.*

**GATAÝYŞ**, *iş ady.* Gatamak ýagdaýy.

**GATBAR**, *syp.* Biri-biriniň üstüne gat-gat edilip goýlan, gat-gat edilip galdyrylan. *Eýwandaky haly düşek ýazylgylygyna, onuň üstündäki gatbar ýassyk mündürilgiligine galdy* (B. Kerbabaýew).

**GATBAR-GATBAR** [gatbar-ğatbar], *hal.* Birnäçe gatbardan durýan, üsti-üstüne gatbarlanan, gat-gat edilen. *Gatbar-gatbar täze jaýlar bina edilýär.*

**GATBARLAMAK**, *işl.* Gat-gat goýmak, gatbar-gatbar etmek, birnäçe gezek epläp, üsti-üstüne goýmak. *Dört keçäni daş eýwanda, Gatbarladym üsti-üstüne* (K. Gurbannepesow).

**GATBARLANMAK**, *işl.* Gat-gat goýulmak, gatbar-gatbar edilmek, gat-gat bolmak. *Ýorganlar gatbarlanyp goýlupdyr.*

**GATBARLAŞMAK**, *işl.* Birnäçe gat bolmak, üsti-üstüne gat tutmak. *Gatbarlaşyp ýatan matalara gözi düşdi.*

**GAT-GAT**, *hal.* Birnäçe gatly, birnäçe gatdan ybarat, münder-münder. *Galkan kimin gat-gat edip tolkunyp, Derýa menden baýlygyny gizledi* (G. Ezizow). *Gat-gat mata. Gat-gat jaý.*

**GATLA**, *at.* **1**. Suwuň derejesini galdyrmak, ony düzgünleşdirmek üçin akymyň öňüni bentleýän gurluş, desga. **2**. Gatlanyň ýerleşýän ýeri. *Ol henizem kempiri bilen gatlada ýaşaýar* ("Edebiýat we sungat").

**GATLAÇY**, *at.* Gatlada işleýän işçi. *Ýa ol ilerki gatlaçynyň gyzymy?* (G. Gurbansähedow).

**GATLAK**, *at.* Jisimiň we ş.m. üstüni örtýän gat. *Buz gatlaklary. Gar gatlaklary.* **2**. Çökündilerden emele gelýän dag jynslarynyň dykyzlanan kese gaty. *Kömür gatlagy.***3**. *göç.m.* Durmuş, medeni we ş.m. alamatlary boýunça birmeňzeş adamlar topary. *Daýhanlar gatlagy. Gullukçylar gatlagy.*

**GATLAKLY**, *at.* Çelpek ýaly ýuka ýaýylan hamyra ýag çalyp, gat-gat togarlap, täzeden ýaýylýan we çapadydan ulurak edilip ýagda ýa-da ýagsyz bişirilýän çörek önümi.

**GATLAMA**, **1**. *iş ady.* Gatlamak ýagdaýy. **2**. *ser.* **Gatlakly**. *Gatlak-gatlak gatlama, Gatlamadan ätleme* (Monjugatdy). *Men size bir zat tabşyraýyn: men eglensem, yzymdan bir jübüt gatlama, biraz mäş, biraz dary göterip baryň* (Erteki).

**GATLAMAK**, *işl.* **1**.Gat-gat edip eplemek, üsti-üstüne gatbar-gatbar goýmak. *Ýorganlary gatlap*

*goýmak.* **2**. Sapagy, ýüplügi we ş.m. birnäçe gat edip birleşdirmek, birnäçe dini birikdirmek. *Ýüpek sapagy gatlamak.*

**GATLAMAKLYK**, *iş ady.* Gatlamak ýagdaýy.

**GATLANMAK**, *işl.* **1**. Gat-gat edilip eplenmek, gatbar-gatbar edilip goýulmak. *Gatlanyp goýlan ýorganlar*. **2**. Birnäçe gat edilip birleşdirilmek.

**GATLAŞDYRMAK**, *işl.* **1**. Gat-gat edip epleşdirmek, gat-gat edişdirmek. *Ýaglyk baryny gatlaşdyryp daňdy*. **2**. Sapagy gat-gat edip birleşdirip towlaşdyrmak, sapagy birnäçe gat edip işişdirmek.

**GATLAŞMAK**, *işl.* **1**. Gatlamaga kömek etmek. *Men eneme ýüplük gatlaşýardym*. **2**. Bilelikde gatlamak. *Olar ýüplük gatlaşyp otyrdylar*.

**GATLATMAK**, *işl.* Gatlamak işini başga birine etdirmek. *Sapagy gatlatmak*.

**GATLAÝYŞ**, *iş ady.* Gatlamak işi.

**GATLYKMAK**, *işl.* Gat-gat bolup birleşmek. *Gatlygan gar.*

**GATLYŞMAK**, *işl.* Garylmak, goşulyşmak, birleşmek, sepleşmek, siňmek. *Der bilen gatlyşyp giden iki düwmäni süpürmäge zordan ýetişdi* (R. Gelenow).

**GATMA**, *iş ady.* Gatmak ýagdaýy.

**GATMAK**, *işl.* Bir zady ikinji zada garmak, birikdirmek, goşmak. *Mäşiň içiňe biraz tüwi hem gataý.*

**GATMAKLYK**, *iş ady.* Gatmak ýagdaýy.

**GATMAZLYK**, *iş ady.* Bir zady ikinji zada garmazlyk, goşmazlyk.

**GATNADYLMAK**, *işl.* Belli bir aralyga gatnar ýaly edilmek, gelip-gider ýaly edilmek. *Pagtaçylar işe maşynly gatnadylýar* ("Edebiýat we sungat").

**GATNAMA**, *iş ady.* Gatnamak ýagdaýy.

**GATNAMAK**, *işl.* **1**. Iki ýana, iki aralyga ýöremek, belli ýer arasynda hereket etmek, gatnaw etmek, gidip gelmek. **2**. Yzygiderli baryp-gelip durmak, şol bir ýere birsyhly, hemişe gidip-gelip durmak. *Ol mekdebe gatnaýar.*

**GATNAMAKLYK**, *iş ady.* Gatnamak ýagdaýy.

**GATNAMAZLYK**, *iş ady.* Iki ýana ýöremezlik, hereket etmezlik, gatnaw etmezlik.

**GATNAŞDYRMAK**, *işl.* **1**. Bir iş bilen meşgullandyrmak, bir işe çekmek, gatnatmak. *Körpeleri bäsleşige gatnaşdyrmak.* **2**. Aragatnaşyk saklatmak, baryş-gelşi ýola goýmak. *Iki goňşyny biri-biri bilen gatnaşdyrmak.*

**GATNAŞMA**, *iş ady.* Gatnaşmak ýagdaýy.

**GATNAŞMAK**, *işl.* **1**. Aragatnaşykda bolmak, baryş-geliş etmek, gatnawly bolmak, biri-biriňe baryp-gelip durmak. *O artykmaç adam, goňşularynyň hemmesi bilen gatnaşýar.* **2**. Bilelikde ýerine ýetirilýän işe, geçirilýän her hili çärä goşulmak. *Bu gürrüňçilige bolsa, golaý-goltum oba goňşulary-da gatnaşýardylar* (A. Gowşudow). *Küşt-şaşka ýaryşyna gatnaşmak.*

**GATNAŞMAKLYK**, *iş ady.* Gatnaşmak ýagdaýy.

**GATNAŞMAZLYK**, *iş ady.* **1**. Aragatnaşykda bolmazlyk, baryş-geliş etmezlik. **2**. Bilelikde ýerine ýetirilýän işe, geçirilýän her hili çärä goşulmazlyk.

**GATNAŞYJY**, *at.* **1**. Bir işi amala aşyrmaga gatnaşýan adam. *Ýaryşa gatnaşyjylar.*

**GATNAŞYK**, *at.* **1**. Aragatnaşyk, baryş-geliş, gatnaw, gelim-gidim. *Döwletara gatnaşyklar*. *Gatnaşyk etmek.* **2**. Birine, bir zada bolan dahyl, garaýyş, duýgudaşlyk, baglanyşyk. *Seniň muňa näme gatnaşygyň bar?*

**GATNAŞYKLY**, *syp.,ser.* **Gatnawly 2**.

**GATNAŞYŞ**, *iş ady.* Gatnaşmak ýagdaýy.

**GATNATMAK**, *işl.* Iki tarapa, iki aralyga ýöretmek, belli bir ýer arasynda hereket etdirmek, gatnaw etdirmek. – *Meni ýöne iki-baka gatnadyp dursuň, buýran işimi hem bitireňok*. **2**. Ulag bilen adam daşamak. *Ýolagçy gatnatmak*. **3**. Yzygiderli äkidip getirmek, şol bir ýere birsyhly äkidip-getirip durmak. *Çagany bakja gatnatmak.*

**GATNATMAZLYK**, *iş ady.* **1**. Iki aralyga ýöretmezlik. – *Janyňa döneýin, meni kän gatnatma, ýarawlygymyň ugry ýok*. **2**. Ulag bilen adam daşamazlyk. *Men indi awtobusly ýolagçy gatnadamok*. **3**. Bir ýere gatnamasyny bes etdirmek, işe, okuwa we ş.m. ýere goýbermezlik. *Sowuk düşeli ol gyzyny mekdebe gatnadanok*.

**GATNAW** [gatnow], *at.* Aragatnaşyk serişdesi arkaly edilýän hereket.*Ýol agyr bolsa-da, onuň gatnawy köpdi* (Ş. Borjakow). **2**. Gatnaşyk, baryş-geliş, aragatnaşyk.

**GATNAWLY** [gatnowly], *syp.* **1**. Köp gatnaw edilýän, köp gatnalýan, köp geçilýän (ýol hakynda). *Gatnawly köçe.* **2**. Gelim-gidimli, baryş-gelişli, aragatnaşykly, gatnawy bar. *Goňşymyz gatnawly adamlar*.

**GATNAÝYŞ**, *iş ady.* Gatnamak ýagdaýy.

**GATY**, *syp.* **1**. Ýumşak däl, daş ýaly. *Gaty ýer*. **2**. Berk, gaýym, ykjam, pugta. *Guşagy gaty çekmek. Bagjygy gaty daňmak*. **3**. Çasly, güýçli, batly (ses hakynda). *Ol gaty geplemän, diňe hamsygyp hümürdedi* (B. Kerbabaýew). **4**.Örän, juda, has, uçursyz, bijaý, çendenaşa. *Gaty täsin waka.* **5**. Batly, çalt, tiz, basym, aýagaldygyna (hereket hakynda). *Öňki atly galdy, emma indi başga bir atly gaty kowýar* ("Görogly").

◊ **Gaty gitmek** hetden aşmak, çenden çykmak, çen-çakyňy bilmän, hetdiňi tanaman, öte geçmek. *Paý-paý, aga, gatyrak gitdiň-ow! Öwez jan, gatyrak giden bolsam, kyrklaryň kyrk ýapynjasy bilen meni pugta basyr* ("Görogly"). **Gaty görmek** birinden bir zady göwnüňe almak, göwnüň galyp öýkelemek, ýokuş

görmek. *Onuň oba gelip, bize salama gelmeýşini gaty gördüm.* **Gaty söz aýtmak** birine göwne deger ýaly ýaramaz söz aýtmak, gaty-gaýrym söz diýmek. **Gaty umyt bolmak** tamaňy üzmek, umydyňdan el çekmek, umydyň tala daňlan ýaly bolmak. **Gaty umyt etmek** tamasyny üzdürmek, umydyňdan el çekdirmek.

**GATYBAŞ** [gatyvaş] **I**, *at.* Uzyn palaçly, dykyz togalak däneli gaňrakbaş jöwen.

**GATYBAŞ** [gatyvaş] **II**, *syp.* Çydamly, dözümli. *Ol ýaşlygyndan gatybaşdy.*

**GATY-GATY** [gaty-ğaty], *hal.* Çalt-çalt, tiz-tiz, howlugyp, alňasak, basym, güýçli, batly (ýöremek, gürlemek we ş.m. hakynda). *Ol öýden çykyp, gaty-gaty ýöräp gitdi.*

**GATY-GAÝRYM** [gaty-ğaýrym], *syp.* Göwne deger ýaly ýokuş, ajy, agyr, bijaý (söz hakynda). *Gyzyna gaty-gaýrym söz aýtmaýan Tyllagözel ýalbaryjy bir ses bilen nakyl getirdi* (B. Kerbabaýew).

**GATY-GUTY** [gaty-ğuty], *syp.* Galan-gaçan, iýilmän galan, gatan (çörek hakynda). *Gaty-guty zagarany çykaryp öňünde goýdy* ("Görogly").

**GATYJA**, *at.* Süýrüje, dikgi, selçeň baldakly, goýy gyzyl-benewşe gülli, düýbi togalajyk kösükli, takyrlarda, dag eteklerinde ösýän ot, tekesakgal.

**GATYK**, *at.* Bişen süýde gönezlik atylyp, basyrylyp uýadylýan süýt önümi. *Gatyk basyrmak. Bagyr ýaly gatyk. Gatyk uýapdyr. Gatygy halta guýup süzmek.*

**GATYKELLE**, *at.* Uzynlygy ýarym metre ýetýän, agramy üç kilogram çemesi, arkasy iki ýüzgüçli balyk.

**GATYKLAMA**, *iş ady.* Gatyklamak işi.

**GATYKLAMAK**, *işl.* Gatyk garmak, gatyk goşmak. *Akýüwrügi gatyklamak. Unaşy gatyklamak.*

**GATYKLAMAKLYK**, *iş ady.* Gatyklamak işi, ýagdaýy.

**GATYKLANMAK**, *işl.* Gatyk goşulmak. *Gatyklanan unaş.*

**GATYKLATMAK**, *işl.* Gatyk goşdurmak, gatyk gardyrmak. *Unaşy gatykladyp içmek.*

**GATYKLAÝYŞ**, *iş ady.* Gatyklamak ýagdaýy.

**GATYKLY**, *syp.* Gatyk garylan, gatyk goşulan. *Gatykly unaş.*

**GATYKLYK**, *at.* Gatyk etmek üçin niýetlenen (süýt hakynda). *Gatyklyk süýt almak.*

**GATYLAÇ**, *syp.* Gatyrak, gatap berkişen, ýumşak däl, alagaty. *Keýikleriň biri syňraklary bilen gatylaç ýerden gum tozadýardy* (B. Kerbabaýew).

**GATYLMAK**, *işl.* Goşulmak, garylmak. *Süýde bal gatylmak.*

**GATYLYK**, *at.* Gaty bolmaklyk, daş ýalylyk. *Ýeriň gatylygy.*

**GATYLYP-GARYLMAK** [gatylyp-ga:rylmak], *işl.*, *gepl.d.*, *ser.* **Gatyşyp-garyşmak**. *Ýaş gelne baran ýerindäkilere gatylyp-garylmak ýeňil düşmedi.*

**GATYM-GARYM** [gatym-ğa:rym], *syp.* Biri-birine gatylan, garyşan, bulam-bujar, gatym-garym. *Öýüň goşlary gatym-garym bolup ýatyrdy.*

**GATYR**, *at.* Erkek eşek bilen baýtalyň çaknyşmagyndan emele gelen haýwan.

**GATYRGANDYRMAK** [gatyrğannyrmak], *işl.* Biriniň gaharyny getirmek, birini gaharly gürlemäge mejbur etmek, käýindirmek.

**GATYRGANMA** [gatyrğanma], *iş ady.* Gatyrganmak ýagdaýy.

**GATYRGANMAK** [gatyrğanmak], *işl.* Gaharlanmak, gaharly, öýkeli gürlemek, gaharly käýinmek. *Wiý, kakasy, ownuk-uşak zat üçin gatyrganmaweri* (B. Kerbabaýew).

**GATYRGANMAKLYK** [gatyrğanmaklyk], *iş ady.* Gatyrganmak ýagdaýy.

**GATYRGANMAZLYK** [gatyrğanmazlyk], *iş ady.* Gaharlanmazlyk, gaharyň gelmezlik.

**GATYRGANYŞMAK** [gatyrğanyşmak], *işl.* Biri-biriňe gaharly söz aýdyşmak, gaharly söz diýişmek. *Hiç birimizden ýüzem sowmadyk, gatyrganyşmadygam* (R. Gelenow).

**GATYRHANA** [gatyrha:na], *at.* Gatyr ýatagy, gatyr saklanylýan jaý. *Gatyrhana salyň! – diýip höküm edipdir* ("Myraly").

**GATYŞ**, *iş ady.* Gatmak işi.

**GATYŞDYRMAK**, *işl.* **1**. *ser.* **Garyşdyrmak 1**. **2**. Bulaşdyrmak, nädogry kesgitlemek. *Bir meseläni başga bir mesele bilen gatyşdyrmak.*

**GATYŞDYRMAZLYK**, *iş ady.* Bir zadyň başga bir zat bilen garylmagyna, goşulmagyna ýol bermezlik.

**GATYŞMAK**, *işl.* **1**. *ser.* **Garyşmak 2**. *Jahyllykda çar tarapa atyşan, Bilmezlikde ham işlere gatyşan* (Magtymguly). *Şol döwürlerde il arasynda aşyk oýny şeýle rowaçdy, çagalara gatyşyp, Gurt ýaly obanyň jahyllary-da, sakgallylary-da oýnardylar* (A. Gowşudow). **2**. Ile goşulmak, köpe garyşyp gitmek. *Bir haýukdan soň görse, gelni pagtaçylara gatyşyp işläp ýör* ("Edebiýat we sungat").

**GATYŞMAZLYK**, *işl.* Gatyşman, goşulman durmaklyk. *Biriniň şahsy işine gatyşmazlyk.*

**GATYŞYK**, *syp., ser.* **Garyşyk**.

**GATYŞYKLY**, *syp.* Bir zat bilen ikinji zat gatyşan, dürli zatlardan düzülen, garyndyly. *Tamyň kömür gatyşykly kapas howasy gapydan gireniňden burnuňa küküp urýardy* (G. Kulyýew). *Gar gatyşykly ýagyş ýagýar.*

**GATYŞYP-GARYŞMAK** [gatyşyp-ga:ryşmak], *işl.*, *ser.* **Garyşmak 4**. *Gelen gelin gaýyn öýünde gatyşyp-garyşyp bilen bolsa, onuň gowy gylykly boldugydyr.*

**GAWUN** [ga:wun], *at.* **1**. Pazyly ýere ýazylyp ösýän, uly ýaprakly birýyllyk bakja ekini. **2**. Şu ösümligiň süýji maňyzly, iri, togalak ýa-da süýri miwesi. *Onuň yzyndan*

*gawun ýaryp käseleýärler, bedre doly akşekerek üzümiň üstüne sowuk suw guýup, iýmäge başladylar* (A. Gowşudow).

◊ **Gawun-gawundan reňk alar** birine başga biriniň häsiýeti, hereketi, täsiri geçmek. *"Gawun-gawundan reňk alar" diýlişi ýaly, bu-da kän geplemeýärdi.*

**GAWUNÇYLYK** [ga:wunçuluk], *at, ser.* **Gawunlyk**.

**GAWUN-GARPYZ** [ga:wun-ğarpyz], *at.* Gawundyr garpyzy aňladýan jemleýji tirkeş söz. *Aýsoltan, gawun-garpyz meýdanlarynyň üstünden geldi* (B. Kerbabaýew).

**GAWUNGÜL** [ga:wungül], *at.* Bakja ekinleriniň arasynda ösüp, olara şikes ýetirýän sary baldakly, gögümtil gülli haşal ot.

**GAWUNLYK** [ga:wunluk], *at.* Gawunyň köp ekilen ýeri, gawunyň bol ýeri, gawunçylyk.

**GAÝ**, *at.* **1**. Ygally, ýagynly güýçli sowuk ýel, harasat, apy-tupan. *Iki paslyň sepgidinde, ylaýta-da, güýzüň başynda her hili gaýlaryň bolmagy taň däldir* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Ýüze çykýan gowga, uruş, söweş, jeň. **3**. *göç.m.* Goh-galmagal, dawa-jenjel, galmagal. *Gaý turuzmak*.

◊ **Ýeser ýerde gaý turmak,** *ser*. **Ýeser**.

**GAÝA**, *at.*Dagyň göni, dik galýan kert ýeri.

◊ **Gaýadan gaýdan ýaly bolmak** duýdansyz bir zada ulaşmak, duýdansyzlykdan aljyramak. *Balam, sen neneňsi bolduň, "içim" diýip gaýadan gaýdan ýaly bolaýdyň-la!* (A. Durdyýew). **Gaýa ýaly (kimin)** berk, mäkäm, ärlerçe, mertlerçe.

**GAÝA-GOPUZ** [gaýa-ğopuz]: **gaýa-gopuz ýok** howsala düşer ýaly, gyssanar ýaly hiç hili ýagdaý ýok, imisalalyk. *Gaýa-gopuz ýok ýerinden gulagyna deňiç gyzaryp, abyr-zabyr ediberdi* ("Edebiýat we sungat"). *Oglanlar, häzir gaýa-gopuz ýok* (Ý. Mämmediýew).

**GAÝALMAK**, *işl.* Gaýma bilen nagyş edilmek, gaýmalanmak. *Saçy täze syrylan kellesinde yz goýup giden, keşdesi iri gaýalan tahýasyny gozgady* (N. Baýramow).

**GAÝALYK I**, *at.* Gaýanyň köp ýeri.

**GAÝALYK II**, *at.* Ilki garnyna gaýan duluç, inen düýe.

**GAÝAMA**, *iş ady.* Gaýamak ýagdaýy.

**GAÝAMAK**, *işl.* Tikiniň gaýma görnüşi bilen nagyş etmek, gaýmalamak. *Hakykatdan-da, garry ýaş başyna bu gyza keşde etmek, gaýma gaýamak, haly çitmek ýaly el işlerini öwretmek bilen, oňa edepli bolmak terbiýesini-de berip başlady* (A. Gowşudow).

**GAÝAMAKLYK**, *iş ady.* Gaýamak ýagdaýy.

**GAÝAMAZLYK**, *iş ady.* Gaýamak işini ýerine ýetirmezlik.

**GAÝAŞMAK**, *işl.* **1**. Gaýma gaýamaga kömek etmek. *Gyz gelnejesine gaýma gaýaşdy*. **2**. Bilelikde gaýamak (*gaýamak* işliginden soň *oturmak* işliginiň häzirki zamanda gelen şekili ulanylýar). *Gyzlar gaýma gaýaşyp, keşde çekişip otyrlar*.

**GAÝATMAK**, *işl.* Gaýamak işini başga birine etdirmek, gaýmalatmak. *Tahýaň etegini gaýatmak.*

**GAÝAÝYŞ**, *iş ady.* Gaýamak ýagdaýy.

**GAÝÇY**, *at.* Mata we ş.m. gyrkmak, kesmek üçin atanaklaýyn hereket edýän iki saply gural. *Bag gaýçysy*.

◊ **Gaýçy çalmak** dowam edýän däp-dessura görä, nika gyýlanda, "ara şeýtan düşmesin" diýen yrym bilen, gaýçyny gyrkýan ýaly şarkyldatmak. **Gaýçy gulak** çowly gulak (atyň gulagy hakynda). *Gaýçy gulak atlarymyz bar*. **Gaýçy guýruk** arasy açylyp duran, açylan gaýça meňzeş guýruk. *Gaýçy guýruk garlawaçlar*.

**GAÝÇYLAMA**, *iş ady.* Gaýçylamak ýagdaýy.

**GAÝÇYLAMAK**, *işl.* Gaýçy bilen kesmek, gyrkmak, çyrpmak, timarlamak. *Ol murtuny gaýçylap, bir kadada saklardy* (A. Gowşudow).

**GAÝÇYLAMAKLYK**, *iş ady.* Gaýçylamak ýagdaýy.

**GAÝÇYLANMAK**, *işl.* Gaýçy bilen kesilmek, gaýçy bilen kesilip timarlanmak. *Baglar gaýçylanyp timarlandy. Mata gaýçylanyp, kesim-kesim edilipdir.*

**GAÝÇYLAŞDYRMAK**, *işl.* Bir ýan ujundan gaýçy bilen kesip çykmak, gaýçy bilen gyrkyp timarlaşdyrmak.

**GAÝÇYLAŞMAK**, *işl.* Gaýçy bilen kesmäge kömekleşmek, gaýçy bilen kesişmek. *Üzüm agaçlaryny gaýçylaşmak*.

**GAÝÇYLATMAK**, *işl.*Gaýçylamak işini başga birine etdirmek, gaýçy bilen kesdirmek, gyrkdyrmak. *Üzümi gaýçyladyp zaýaladaýma. Baglary gaýçylatmak.*

**GAÝÇYLAÝYŞ**, *iş ady.* Gaýçylamak ýagdaýy.

**GAÝDA-GAÝMALAŞYK** [ga:ýda-ğa:ýmalaşyk], *at.* Köpçülikleýin eýläk-beýläk edilýän çalasyn hereket, eýläk-beýläk çalasyn hereket edýän mähelläniň hereketi. *Obanyň içi gaýda-gaýmalaşykdy, ikindiniň alada-derdeseri uly-kiçini herekete getiripdi* (G. Kulyýew).

**GAÝDARLY**, *syp*. Gaýtmaga meýilli. *Ol heniz-ä gaýdarly däl*.

**GAÝDARLYK**, *at.* Gaýtmaga mümkinçilik, ýarawlyk. *Ýagdaýym biraz gowulanaýmasa, obamyza gaýdarlygym ýok.*

**GAÝDUWSYZ** [gaýduwsuz], *syp.* Her hili kynçylyklardan gaýtmaýan, batyrlyk bilen hereket edýän, tutanýerli, edermen, gorkmazak, okgunly. *Siziň garamagyňyzda dagy böwserlik, ýeriň astyny üstüne çöwrerlik gaýduwsyz güýç bar* (B. Kerbabaýew). *Gaýduwsyz adam. Gaýduwsyz hereket etmek.*

**GAÝDUWSYZLYK** [gaýduwsuzluk], *at.* Her hili kynçylyklara hötde gelmeklik, maksada okgunlylyk, tutanýerlilik, edermenlik, gorkmazaklyk. *Esgeriň çalasynlygy, gaýduwsyzlygyny hiç zat bilen deňär ýaly däldi* (A. Nazarow). *Gaýduwsyzlyk bilen söweşmek. Gaýduwsyzlyk görkezmek.*

**GAÝDYLMAK**, *işl.* Gelen yzyňa öwrülmek, yzyňa gidilmek, öwrülmek.

**GAÝDYM**, *at.* Bir hereketiň öňki depgininden peseliş ýagdaýy, öňki ýagdaýyndan gowşamak häsiýeti.

◊ **Gaýdym çalyşmasy** (dil b.) ″öz″ diýen sözden ybarat bolup, at deregine ulanylýan sözleriň ýerini çalyşýan söz.

**GAÝDYP**, *hal.* Indiden beýläk, dagy-duwara, dolanyp, soň, gaýtalap. *Magtymguly, ol menzile, diýara, Giren gaýdyp çyka bilmez kenara* (Magtymguly).

**GAÝDYRMAK** [ga:ýdyrmak], *işl.* **1**. Howada uçurmak. *Ýakymsyz sörtük şemal ýapraklary gaýdyryp äkidýärdi* (B. Gulow). *Ol daşy gaýdyryp zyňdy.* **2**. *göç.m.* Urup ýykmak, agdarmak. *At üstüne münen nätanyş adamy gaýdyryp goýberdi*. **3**. Bir sebäbe görä uly wezipesinden aýryp taşlamak. *Sen aýagyňy dogry basmasaň, bir gün işiňden gaýdyryp goýbererler.*

**GAÝDYRYLMAK** [ga:ýdyrylmak], *işl.* Gaýar ýaly edilmek, howada gaýyp gider ýaly edilmek. *Ýabylaryň bu çapyp barşyna furgon sähel bir zada galtaşaýsa ýa-da ýabylar bir gyrarakda geçäýdigi ählimiz gaýdyrylyp gitjek* (B. Gulow).

**GAÝDYŞ**, **1**. *iş ady.* Gaýmak ýagdaýy. **2**. *hal, gepl. d., ser.* **Gaýdyşyn**. *Ony men size gaýdyşda görkezerin* (B. Kerbabaýew).

◊ **Gaýdyş bolmak** *gepl.d.* ýogalmak, aýrylmak, ölmek, dünýeden gaýtmak. *Abulhaýryň haçan, näçe ýaşynda dünýäden ötenligi anyk bolmasa-da, onuň heniz Abusagydyň ýetginjek döwründe gaýdyş bolandygyny çaklamak mümkin* (″Türkmen dili″)

**GAÝDYŞMAK**, *işl.* **1**. Ikiden-ýekeden gaýdyp başlamak, dagaşyp başlamak. *Kärendeçiler pagta ýerinden öýlerine gaýdyşyp gelýärdiler* (A. Durdyýew). **2**. Öňki derejesinden peselişmek, kemelişmek, çekilişmek; köşeşmek. *Derýanyň joşguny gaýdyşdy. Ýaranyň çişi gaýdyşdy.*

**GAÝDYŞYK**, *at, gepl.d.* Öýli-öýüne gidişlik, iki-ýekeden gaýdyp başlamaklyk. *Adamlar, gaýdyşyk wagty boldy. Gaýdyşyk bolandan soň hem oturdyk.*

**GAÝDYŞYN** [gaýdyşy:n], *hal.* Yza gaýdyp, dolanyp gelinýärkä, gelşin. *Gaýdyşyn biz Etrek deryasynyň boýy bilen gaýtdyk* (″Edebiýat we sungat″).

**GAÝGANA** [gaýğana], *at.* Düýe botlanda, ýaňy bolan köşegiň daşyndaky suwly barda.

**GAÝ-GAÝMALAŞYK** [ga:ý-ğa:ýmalaşyk], *at, ser.* **Gaýda-gaýmalaşyk**. *Garagumuň üsti gaý-gaýmalaşyk bilen doldy* (B. Kerbabaýew).

**GAÝGY** [gaýğy], *at.* **1**. Bir zadyň aladasyny etmek duýgusy. *Magtymguly, elli ýaşyň, Gamdyr, gaýgydyr, syrdaşyň* (Magtymguly). **2**. Ynjalyksyzlyk, ünji, alada. *Göroglynyň hiç yzyndan gaýgysy ýok* (“Görogly”).

◊ **Gaýga batmak** bir zadyň pikirini, gaýgysyny etmek.

**GAÝGY-ALADA** [gaýğ(y)-alada], *at, ser.* **Gaýgy** we **alada**. *Ondan galyň hantama däldi, üstesine, gaýgy-alada galdy* (B. Kerbabaýew).

**GAÝGYÇYL** [gaýğyçyl], *syp.* Gaýgy edegen. *Şeýle-de bolsa, gaýgyçyl garrynyň öňünde sözlemek, oňa hakykaty beýan etmek birbada agyr degdi* (B. Pürliýew).

**GAÝGYÇYLLYK** [gaýğyçyllyk], *at.* Gaýgyçyl hasiýetlilik, gaýgy edegenlik. *Ol gaýgyçyllygy sebäpli özüni horlaýardy*.

**GAÝGY-GAM** [gaýğy-ğam], *at, ser*. **Gaýgy-gussa**. *Gaýgy-gam adamyň saglygy üçin uly zyýandyr* (O. Gadamow).

**GAÝGY-GUSSA** [gaýğy-ğusso], *at.* Adamlarda döreýän we çykalgasyz görünýän gynançly, hasratly pikir, gaýgy-gam. *Gaýgy-gussa getirmegin başyňa, Jandan batyr, esrik nerim näm boldy?* (″Görogly″).

**GAÝGY-HASRAT** [gaýğy-hasyrat], *at, ser.* **Gaýgy-gussa**. *Çeker boldum gaýgy-hasrat, Başymdan gitmedi pyrkat* (Magtymguly).

**GAÝGYLANDYRMAK** [gaýğylannyrmak], *işl.* Gaýgylanar ýaly etmek, gaýgy etdirmek, gaýga batyrmak. *Wagtynda oglundan hat-habar gelmezligi enäni gaýgylandyrdy.*

**GAÝGYLANMA** [gaýğylanma], *iş ady.* Gaýgylanmak ýagdaýy.

**GAÝGYLANMAK** [gaýğylanmak], *işl.* **1**. Gaýgyly pikir gurşap almak, gaýgy etmek, gaýga batmak. *Onuň ýüzüne sereden lukman onuň bir zatdan gaýgylanýanlygyny we soraglarynyň barlygyny gözünden aňlady* (A. Gowşudow). *Ol bir zada gaýgylanyp otyrdy.* **2**. Ünji etmek, ynjalyksyzlanmak, aladalanmak. *Ol, sowuk howada oglunyň ýeňil geýnendigi ýadyna düşüp gaýgylandy.*

**GAÝGYLANMAKLYK** [gaýğylanmaklyk], *iş ady.* Gaýgylanmak ýagdaýy.

**GAÝGYLANMAZLYK** [gaýğylanmazlyk], *iş ady.* Gaýgy etmezlik, gaýga batmazlyk.

**GAÝGYLANYŞ** [gaýğylanyş], *iş ady.* Gaýgylanmak ýagdaýy.

**GAÝGYLY** [gaýğyly], *syp.* **1**. Gaýgysy bar, gaýgysyz däl. *Ol daşyndan gaýgyly görünýär.* **2**. Ünjüli,

iňkisli, ynjalyksyz. *Ol ikisiniň hem çynlakaý sypatlaryna, gaýgyly keşplerine geňirgendi* (B. Kerbabaýew).

**GAÝGYLYLYK** [gaýğylylyk], *at.* **1**. Gaýgysy barlyk, gaýgysyz dällik. *Wakanyň gaýgylylygy oňa güýçli täsir etdi.* **2**. Ünjülilik, aladalylyk, birahatlyk, ynjalyksyzlyk, iňkislilik.

**GAÝGYRMA** [gaýğyrma], *iş ady.* Gaýgyrmak ýagdaýy.

**GAÝGYRMAK** [gaýğyrmak], *işl.* **1**. Aýap saklamak, aýamak. *Ol janyny gaýgyran däldir*. **2**. Dözmezlik edip aýamak. *Ýöne men syrkaw adamyny gaýra üzäýmäýin diýip gaýgyrdym* (A. Gowşudow).

**GAÝGYRMAKLYK** [gaýğyrmaklyk], *iş ady.* Gaýgyrmak ýagdaýy.

**GAÝGYRMAZLYK** [gaýğyrmazlyk], *işl.* Aýamazlyk, aýap saklamazlyk. *Men Siziň her biriňiziň ata Watanymyzy gülledip ösdürmek ugrunda gujur-gaýratyňyzy gaýgyrmajakdygyňyza ynanýaryn* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr").

**GAÝGYRYLMAK** [gaýğyrylmak], *işl.* Aýawly saklanylmak, gorap, aýap saklanylmak, aýalmak. *Tohumyň gaýgyrylmagynyň sebäbi onuň gymmatly, tapylgysyz ak bugdaýdandygydy.*

**GAÝGYRYŞ** [gaýğyryş], *iş ady.* Gaýgyrmak ýagdaýy.

**GAÝGYSYZ** [gaýğysyz], *syp.* **1**. Gaýgysy ýok, hiç zady pikir etmeýän, aladasyz, ünjüsiz, iňkisi bolmadyk. *Gaýgysyz çaga gapyda bökjekläp, oýnap ýör*. *Gaýgysyz gara suwda semrär* (Nakyl). **2**. *gepl.d.* Hiç kynçylyk çekmän, şübhesiz, ýeňil. *Ol bu işi gaýgysyz başarar*. **3**. Oglana dakylýan at.

**GAÝGYSYZLYK** [gaýğysyzlyk], *at.* Gaýgysy ýokluk, gaýgyly dällik. *Gaýgysyzlyk saglyk üçin peýdalydyr*.

**GAÝGY-ÜNJI** [gaýğy-ünjü], *at, ser.* **Gaýgy-alada**. *Gaýgy-ünjini taşlap, yhlaslyrak ýapyşyberseň, eliň endik edip gidenini özüň hem duýman galarsyň* (G. Gurbansähedow).

**GAÝKY**, *syp.* Arkan gaýşaryp duran, döşi öňe çykyp duran, gaýşak. *Kim gaýkyny söýer, kim küýkini* (Nakyl).

**GAÝKYJAKLAMA**, *iş ady.* Gaýkyjaklamak ýagdaýy.

**GAÝKYJAKLAMAK**, *işl.* **1**. Arkan gaýşarylyp ýöremek, gaýşak hereket etmek. *Ol gaýkyjaklap haýdap barýardy*. **2**. *göç.m.* Öz diýeniňi tutmak, göwnemezlik, makul bilmezlik, ylalaşmazlyk, barlyşmazlyk, kesirlik etmek. *Ol gaýkyjaklan boldy*.

**GAÝKYJAKLAMAKLYK**, *iş ady.* Gaýkyjaklamak ýagdaýy.

**GAÝKYJAKLAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup gaýkyjaklap ýöremek, arkan gaýşaryşyp ýörän bolmak, arkan gaýyşmak. *Ikisi hem gaýkyjaklaşyp barýardy.*

**GAÝKYJAKLATMAK**, *işl.* Gaýkyjaklap ýörär ýaly mejbur etmek, gaýkyjaklap ýöretmek, arkan gaýşartmak. *Güýçli ýel ýolagçyny gaýkyjakladyp ýykaýjak-ýykaýjak bolýardy.*

**GAÝKYJAKLAÝYŞ**, *iş ady.* Gaýkyjaklamak ýagdaýy.

**GAÝKYLDAMA** [gaýkyllama], *iş ady.* Gaýkyldamak ýagdaýy.

**GAÝKYLDAMAK** [gaýkyllamak], *işl.* Öňin-yzyn yranyp durmak, ýaýkyldamak. *Ol düýäniň üstünde gaýkyldap otyrdy. Gaýkyldap ýöremek.*

**GAÝKYLDAMAKLYK** [gaýkyllamaklyk], *iş ady.* Gaýkyldamak ýagdaýy.

**GAÝKYLDAŞMAK** [gaýkyllaşmak], *işl.* Oýmul-oýmul edişip ýöremek, çaýkanyşyp ýöremek. *Gazlar gaýkyldaşyp suwa girdiler.*

**GAÝKYLDATMAK** [gaýkyllatmak], *işl.* Gaýkyldyly ýöretmek, iki ýana çaýkanyp hereket etdirmek.

**GAÝKYLDAÝYŞ** [gaýkyllaýyş], *iş ady.* Gaýkyldamak ýagdaýy.

**GAÝLAMA**, *iş ady.* Gaýlamak ýagdaýy.

**GAÝLAMAK**, *işl., gepl.d.* **1**. Gaýa sezewar bolmak, gaý üstüňi basmak, gaýda galmak. **2**. *göç.m.* Başagaý bolmak, lejiň çykmak, ýadamak, irmek. *Görogly aýtdy: – Şu zaňňar gaýlap gelýär-ow* ("Görogly").

**GAÝLAMAKLYK**, *iş ady.* Gaýlamak ýagdaýy.

**GAÝMA I,** *iş ady.* Gaýmak ýagdaýy.

**GAÝMA II**, *at.* **1**. Nagyş salmak üçin owunjak sanjylyp tikilýän tikiniň bir görnüşi. **2**. Gaýma bilen salnan keşde, nagyş. *Bu gaýmany kim gaýady?*

**GAÝMAK I**, *at.* **1**. Süýtden alynýan ýokumly we ýagly iýmit önümi. *Gyr atyň sagrysynyň üstünde bir käse gaýmak goýsaň bozuljak däldi* ("Görogly"). **2**. *göç.m.* Suwuklygyň, tekizligiň we ş.m. ýüzünde emele gelen ýukajyk gatlak, gyrpak. *Säher çagy giň kenarda aýlanyp, Bozýar ýeriň ykrydaýan gaýmagyn* (M. Seýidow).

**GAÝMAK II**, *işl.* Erkege çekilen düýäniň höwürden çykmagy, bogaz bolmagy. *Inen düýeleriň birnäçesi gaýypdyr.*

**GAÝMAK** [ga:ýmak], *işl.* **1**. Suwuklygyň içinde çümmän hereket etmek, ýüzünde göterilip ýörmek, ýüzmek. *Bir tarapdan, köle düşen zat suwuň ýüzünde kädi ýaly gaýyp ýör, çümmeýär* (A. Atajanow). **2**. Ganat ýaýyp, howada uçmak, howada gaýmalamak. *Uçaryň mysaly nusgasy asmanda gaýýardy. Saralan ýapraklar gaýyp ýere düşýärler.* **3**. Bir ýerden aşaklygyna gaýtmak, ýykylmak, zyňlyp gitmek. *Men bilmedim näme üçin*

*atlanyp, At üstünden gaýdyňmy sen, Artyk jan* (B. Kerbabaýew).

◊ **Gaýyp düşmek** köp wagtlap barmadyk ýeriňe ahyry bir gün geleniňde aýdylýan aňlatma. – *Sen bu ýerlere gaýyp düşdüňmi, gözümizden uçduň ahyry?!*

**GAÝMAKLAMA**, *iş ady.* Gaýmaklamak ýagdaýy.

**GAÝMAKLAMAK**, *işl.* **1**. Süýt bişirilende ýüzünde ýukajyk ýagly gatlak emele gelmek, gaýmak bitmek. *Süýt gaýmaklady.* **2**. Suwuklygyň, tekizligiň we ş.m. ýüzünde ýukajyk gatlak emele gelmek, gyrpaklamak. *Suwuň gyrak-bujaklarynda buz gaýmaklap görünýän ýerleri-de bardy.*

**GAÝMAKLAMAKLYK**, *iş ady.* Gaýmaklamak ýagdaýy.

**GAÝMAKLATMAK**, *işl.* Gaýmak emele geler ýaly şert döretmek, mümkinçilik bermek, gaýmak bitýänçä goýmak.

**GAÝMAKLAÝYŞ**, *iş ady.* Gaýmaklamak ýagdaýy.

**GAÝMAKLYK**, *iş ady.* Gaýmak ýagdaýy.

**GAÝMAKLYK** [ga:ýmaklyk], *iş ady.* Gaýmak ýagdaýy.

**GAÝMALAMA**, *iş ady.* Gaýmalamak işi.

**GAÝMALAMA** [ga:ýmalama], *iş ady.* Gaýmalamak hereketi, ýagdaýy.

**GAÝMALAMAK**, *işl.* **1**. Gaýma gaýamak, gaýma çekmek. *Gaýmalap keşde etmek.* **2**. Bir zadyň daşyna zolak aýlamak.

**GAÝMALAMAK** [ga:ýmalamak], *işl.* Eý-läk-beýläk hereket etmek, galgamak, bir zadyň töwereginde aýlanmak. *Ak köýneklije oglan bolsa dürli gülleriň arasynda, kebelek kimin gaýmalap, juwtar ak gülleri çöpleýärdi* (N. Pomma).

**GAÝMALAMAKLYK**, *iş ady.* Gaýmalamak ýagdaýy.

**GAÝMALAMAKLYK** [ga:ýmalamaklyk], *iş ady.* Gaýmalamak hereketi.

**GAÝMALANMAK**, *işl.* Gaýma edilmek, gaýma gaýalmak.

**GAÝMALAŞMAK**, *işl.* Gaýma gaýaşmak. *Tahýa gaýmalaşmak.*

**GAÝMALAŞMAK** [ga:ýmalaşmak], *işl.* **1**. Birnäçe bolup bir zadyň töwereginde aýlanmak, galgamak. *Gelnalyja gitmäge höwesjeňler eýýäm maşynyň töwereginde gaýmalaşýardylar* (B. Gulow). **2**. Birnäçe ýa köp bolup bilelikde ganat ýaýyp uçmak. *Günüň ýaşyp barýanyny mälim edip, ondan-oňa gaýmalaşýan, özlerine ýatak ýer araýan serçeler aladaly jürküldeşýärdiler* (B. Kerbabaýew). *Geçiguşlar al-asmanda gaýmalaşýar.*

**GAÝMALAŞYK** [ga:ýmalaşyk], *at.* Köpçülikleýin edilýän tertipsiz hereket, gaýda-gaýmalaşyk.

**GAÝMALATMAK**, *işl.* Gaýmalamak işini başga birine etdirmek, gaýma gaýatmak. *Tahýa gaýmalatmak.*

**GAÝMALATMAK** [ga:ýmalatmak], *işl.* Bir zady duran ýeriňde üstünde bulaýlamak.

**GAÝMALAÝYŞ**, *iş ady.* Gaýmalamak ýagdaýy.

**GAÝMALAÝYŞ** [ga:ýmalaýyş], *iş ady.* Gaýmalamak ýagdaýy.

**GAÝNADYLMAK**, *işl.* **1**. Gaýnamak derejesine ýetirilmek. **2**. Gaýnadylyp bişirilmek. *Gaýnadylan et.*

**GAÝNADYNMAK**, *işl.* Özüň üçin gaýnatmak. *Çaý gaýnadynmak.*

**GAÝNADYŞMAK**, *işl.* **1**. Gaýnatmaga kömek etmek. *Çaýça çaý gaýnadyşmak.* **2**. Bilelikde gaýnatmak. *Gelinler toýa gelenler üçin çaý gaýnadyşyp ýördüler.*

**GAÝNAG** [gaýnağ] **I**, *syp.* Çig däl, gaýnan (suw hakynda).

**GAÝNAG** [gaýnağ] **II**, *at.* Agzyň içinde, dodakda, burunda ýara döremek bilen çykýan kesel, düwürtikli kesel.

**GAÝNAG** [gaýnağ] **III**, *at.* Öýken keseli.

**GAÝNAGLY** [gaýnağly], *syp.* Gaýnag keseline duçar bolan, gaýnag keselli.

**GAÝNAK**, *at.* Elde örülýän gülli joraba we käbir el işlerine salynýan nagyş, şeýle hem şol salynýan nagşyň ady.

**GAÝNAM**, *at.* Gaýnamak derejesi. *Gaýnamy kemsiz ýeten et.*

◊ **Gaýnamy çykmak** gowy gaýnamak, gowy gaýnap ugramak. *Gaýnatmanyň gaýnamy çykypdyr öýdýän.* **Gaýnamy synmak** gaýnamasy galmak. *Taňkanyň gaýnamy synansoň, çopan ala torbasyny sermäp, çaý haltasyny tapdy* ("Edebiýat we sungat").

**GAÝNAMAK**, *işl.* **1**. Güýçli gyzgynlygyň täsiri netijesinde bugaryp lakyrdamak, gaýnag hala ýetmek. *Oduň üstünde goýlan tüňçäň suwy gaýnap başlady.* **2**. Aşakdan çogup, urup çykmak (suw hakynda*). Jülgäniň ýokary başynda buz ýaly çeşme gaýnap çykýardy.* **3**. *göç.m.* Möwç almak, joşa gelmek, möwjemek, joşmak. *Yşk derýasy doldy, daşdy, gaýnady, Täze hyruç eýläp, gyzmaly boldum* (Magtymguly).

**GAÝNATDYRMAK**, *işl.* Gaýnatmak işini başga birine etdirmek. *Çaý gaýnatdyrmak.*

**GAÝNAR** [gaýna:r], *at.* Suwy çogup, zogdurylyp, gaýnap çykýan çeşme.

**GAÝNATMA**, **1**. *iş ady.* Gaýnatmak ýagdaýy. **2**. Etli süňk suwda siňňin gaýnadylyp bişirilýän milli nahar.

**GAÝNATMAK**, *işl.* **1**. Gaýnag hala ýetirmek. *Olar çaý gaýnatmaga başladylar.* **2**. *gepl.d.* Bişirmek. *Semeni gaýnadýan gelin-gyzlaryň kalby örän päk bolmaly* ("Nesil").

◊ **Ganyny gaýnatmak** gaharyňy getirmek, janyňy ýakmak, gazaplandyrmak. *Bu ýagdaý onuň ganyny gaýnadýardy* (B. Pürliýew).

**GAÝRA I**, *at.* **1**. Demirgazyk-Gündogar aralykdakly tarap, ileriniň garşysyndaky tarap. *Gaýradan bir adam gelýär. Soň bular gaýrak giden yzy yzarlap gitdiler* (A. Gowşudow). **2**. Yz, arka, ýeňse. *Gaýra çekilmek.* **3**. Geljek wagta, indiki wagta, soňa. *Etmeli işiňi gaýra goýma.*

◊ **Gaýra durmak** çetde durmak, çeke durmak, goşulman durmak. **Gaýra üzülmek** keselliniň keseli ýagşylanan ýaly bolup, gaýtadan beterlemek, ýaramazlaşmak, gaýralamak. **Gaýra ýaşamak** ýetmezçilik we ş.m. sebäpli özüňi kemsidilen ýaly duýmak, etjegiňi edip bilmezlik. *Magtymguly gaýra ýaşar, Mert ärden hany bolmasa* (Magtymguly). *Malsyz mertler köp hor eder başyny, Myhman gelse, gaýra ýaşar ýaşyny, Edebilmez köňli halan işini, Gurguly harjysy, puly bolmasa* (Zelili).

**GAÝRA II**, *hal, gepl.d., ser.* **Gaýta 1**. *Içine-de çöwüp, bäş-alty gaýra depdi* ("Görogly").

**GAÝRAÇ**, *at.* Nergiz güllüler maşgalasyna degişli togalak düýpli köpýyllyk ösümlik.

**GAÝRA-GAÝRA** [gaýra-ğaýra] **I**, *at, ser.* **Gaýra I**, **2**. *Ojaryň howry ony gaýra-gaýra süýşmäge mejbur etdi.*

**GAÝRA-GAÝRA** [gaýra-ğaýra] **II**, *hal, ser.* **Gaýta-gaýta**.

**GAÝRAKY**, *syp.* Gaýra tarapdaky. *Gaýraky raýyş.*

**GAÝRALAMA**, *iş ady.* Gaýralamak ýagdaýy.

**GAÝRALAMAK**, *işl.* **1**. Gaýra çekilmek, yza süýşmek. *Çaknyşykdan soň goşun biraz gaýralapdyr.* **2**. Keselliniň ýagdaýy agyrlaşmak, gaýra üzülmek, beterleşmek, ýaramazlaşmak. *Ol gün-günden gaýralaýardy* ("Görogly").

**GAÝRALATMAK**, *işl.* Keselliniň ýagdaýyny agyrlaşdyrmak, gaýra üzdürmek, keselini beterletmek. *Kesellini köp gürledip gaýralatmak.*

**GAÝRALAÝYŞ**, *iş ady.* Gaýralamak ýagdaýy.

**GAÝRALY** [gaýraly], *syp., gepl.d.* Türkmenistanyň demirgazyk etraplarynyň ýaşaýjysy.

**GAÝRALYGYNA** [gaýralyğna], *hal.* Gaýra tarapa. *Giň köçe gaýralygyna uzalyp ýatyrdy* (B. Seýtäkow). *Giň köçe gaýralygyna uzalyp gidýärdi. Şondan gaýralygyna ýöräberseň, Ýerewan köçesi öňüňizden çykar* ("Edebiýat we sungat").

**GAÝRAT** [gaýra:t], *at.* Kynçylyga, garşylyga bolan çydam, dözüm, edenlilik, gujur, başarnyk. *Adamlar, gaýrat edip işläň.*

◊ **Gaýrata galmak** bir işi etmek üçin bar güýjüňi bir ýere jemlemek. – *Adamlar, gaýrata galyp, şu gün jaýyň boýuny ýetireliň.* **Gaýrat et! 1)** birinden bir zat haýyş edilende, dilenende ulanylýan aňlatma. **2)** biriniň başyna agyr iş düşende göwünlik berlip aýdylýan aňlatma.

**GAÝRATLANDYRMAK** [gaýra:tlannyrmak], *işl.* Gaýrata galdyrmak, kuwwatlandyrmak. *Ýeňşe bolan ynam ony has-da gaýratlandyrýardy.*

**GAÝRATLANMAK** [gaýra:tlanmak], *işl.* Gaýratly bolmak, gaýrata galmak.

**GAÝRATLY** [gaýra:tly], *syp.* Gaýraty bar, edenli, tutanýerli, gujurly, başarnykly. *Gaýratly adam.*

**GAÝRATLYLYK** [gaýra:tlylyk], *at.* Gaýraty barlyk, edenlilik, tutanýerlilik, gujurlylyk.

**GAÝRATSYZ** [gaýra:ssyz], *syp.* Gaýraty ýok, kynçylyga, garşylyga çydamsyz, edensiz, bigaýrat. *Ozalda bolsa gaýratsyz, Ony hiç düzeltmek bolmaz* (Talyby).

**GAÝRATSYZLYK** [gaýra:ssyzlyk], *at.* Gaýraty ýokluk, kynçylyga, garşylyga çydamsyzlyk, edensizlik, bigaýrat.

**GAÝRY**, *syp.* **1**. Beýleki, başga, özge. *Özüňden egsik bir gaýry namardyň, Hyzmatynda gulluk ediji bolma* (Magtymguly). **2**. Ýakyn däl, keseki, ýat,bigäne. *Wehm etme, Şasenem gaýry bolar diýp, Bir namardyň terhosyny alar diýp* ("Şasenem – Garyp").

**GAÝRYLMAK**, *işl.* Ýerine ýetirilmek, amala aşyrylmak, edilmek (*ser.* **gaýyrmak**).

**GAÝRYLMAZLYK**, *iş ady.,k. d.* Ýerine ýetirilmezlik, amala aşyrylmazlyk, edilmezlik. *Mertden dileg eden namut öwrülmez, Namarda düşen iş hergiz gaýrylmaz* (Magtymguly).

**GAÝSAR**: **gaýsar bolmak** derlän endama şemal çalyp gatamak, çigreklemek.

**GAÝŞAK**, *syp., ser.* **Gaýky**. *Bu iki barýan aýalyň bir-ä uzyn gaýşak, semiz, çişik, garaýagyz burunlak, saçy çalaran bir aýaldy* (A. Durdyýew).

**GAÝŞANAKLAMAK**, *işl., ser.* **Gaýkyjaklamak**. *Gaýşanaklap dünýä göwni ýetmän barýar.*

**GAÝŞANAKLAŞMAK**, *işl., ser.* **Gaýkyjaklaşmak**. *Olar gaýşanaklaşyp gelýärdiler.*

**GAÝŞARMA**, *iş ady.* Gaýşarmak ýagdaýy.

**GAÝŞARMAK**, *işl.,ser.* **Gaýyşmak**.

◊ **Gaýşaryp gezmek** hiç bir alada-ünjüsiz, erkana, arkaýyn ýaşamak.

**GAÝŞARMAKLYK**, *iş ady.* Gaýşarmak ýagdaýy.

**GAÝŞARMAZLYK**, *iş ady.* Gaýşaryp ýörmezlik.

**GAÝŞARTMAK**, *işl.* **1**. Döşüňi ileri berip, kelläňi arkanrak atmak. *Seýdi aýagy gandally, iki eli zynjyrly, çök düşüp oturan ýerinden döşüni gaýşardyp öňe omzapdyr* (N. Pomma). **2**. Bir zadyň ujuny yzyna egmek ýa-da bir zady birneme egmek. *Simiň, çüýüň ujuny gaýşartmak.*

**GAÝŞARYLMAK**, *işl.* **1**. Gaýşyp oturmak, gaýşyp durmak, gaýşyp ýörmek. *Ol kürsüde gaýşarylyp otyrdy.* **2**. *göç.m.* Özüňe ynamly, göwnüýetijilik bilen çişmek, hondanbärsi bolmak, ýüzüňi ýokary tutmak. *Nedir aga özüne göwni ýetýän adamyň görnüşinde gaýşarylýar* (N. Jumaýew).

**GAÝŞARYŞ**, *iş ady.* Gaýşarmak ýagdaýy.

**GAÝŞARYŞMAK**, *işl.* Biri bilen bile gaýşaryp durmak, hondanbärsi boluşmak. *Olar hiç zat piňine däl ýaly, gaýşaryşyp durdular*.

**GAÝŞYŞMAK**, *işl.* Biri bilen bilelikde gaýşyp durmak, ″etjek däl″ diýen manyda biriniň gaňryşyna gaýtmak. *Gaýşyşyp durmaň-da, diýleni bilen boluberiň!*

**GAÝTA**, *hal.* **1**. Gezek, sapar, ýola. *Bäş gaýta aýtmak.* **2**. ″Gaýtam, tersine, eýsem-de bolsa″ ýaly manyda ulanylýan giriş sözi. *Urmak bilen çaga terbiýe berip bolanok, gaýta, zaýalanýar* (A. Gowşudow).

**GAÝTADAN**, *hal.* Gaýtalap, ikilenç, ýaňadandan, ýamaşgandan, täzeden. *Nebiti gaýtadan işleýän zawod*.

**GAÝTA-GAÝTA** [gaýta-ğaýta], *hal.* Yzly-yzyna, birnäçe gezek, öwran-öwran, garşy-garşy, zol-zol, gaýtalap-gaýtalap. *Oglan haty gaýta-gaýta okady*.

**GAÝTALAMA**, **1**. *iş ady.* Gaýtalamak ýagdaýy. **2**. Aýdymyň gaýtalanýan bendi.

**GAÝTALAMAK**, *işl.* **1**. Bir zady, hereketi we ş.m. ikilenç amala aşyrmak. **2**. Gaýtadan aýtmak, tekrarlamak. *Gaýtalap aýtmak.* **3**. Ikilenç gozgamak, gaýtadan başlamak (kesel hakynda*.). Dümew ýene gaýtalady.* **4**. *at.* Geçilen sapagy, aýdymyň sözlerini we ş.m. ýadyňdan çykarmazlyk üçin gaýtadan okamak, okap içinden geçmek.

**GAÝTALAMAKLYK**, *iş ady.* Gaýtalamak ýagdaýy.

**GAÝTALAMAZLYK**, *iş ady.* **1**. Bir hereket, hadysa gaýtadan edilmezlik. **2**. Gaýtalap aýtmazlyk. **3**. Ikilenç gozgamazlyk, gaýtadan başlamazlyk (kesel hakynda).

**GAÝTALANMAK**, *işl.* **1**. Bir hereket, hadysa gaýtadan ýüze çykmak, döremek. *Ýaramaz hereketiňiz gaýtalandygy siz bilen başgaça gürleşmeli bolar.* **2**. Gaýtadan aýdylmak, gaýtadan tekrarlanmak. *Bu bent hem öwran-öwran gaýtalandy* (″Edebiýat we sungat″).

**GAÝTALAP-GAÝTALAP** [gaýtala:p-ğaýtala:p], *hal.* **1**. *ser.* **Gaýta-gaýta**. *Şol aýdym öz ýüreklerinden turan daýhanlar ony gaýtalap-gaýtalap aýtdyrypdyrlar* (B. Kerbabaýew). **2**. Nygtap-nygtap, aýratyn üns berip, pugta tabşyryp. *Etmeli işlerini gaýtalap-gaýtalap düşündirdi*.

**GAÝTALATMAK**, *işl.* Gaýtalamak işini birine etdirmek, täzeden aýtdyrmak. *Mugallym ýazuw kadasyny okuwçylara birnäçe gezek gaýtalatdy. Bagşa aýdan aýdymyny ýene gaýtalatdylar.*

**GAÝTALAÝYŞ**, *iş ady.* Gaýtalamak ýagdaýy.

**GAÝTAM** [gaýta:m], *gepl. d., ser.* **Gaýta 2**. *Gaýtam, bu habar ony begendirdi* (B. Seýtäkow).

**GAÝTARGY** [gaýtarğy], *at.* **1**. Biriniň hatyna, soragyna we ş.m. ýazylýan hat ýa-da berilýän jogap. *Sadap näme gaýtargy berjegini bilmän ikirjiňlejek ýaly etdi-de, şol sekundyň özünde sowalga tapdy* (B. Kerbabaýew). **2**. *ser.* **Gaýtawul**. *Birine ýumruk salsaň, ondan gaýtarga garaşybermeli* (″Edebiýat we sungat″). **3**. Hasaplaşykdan gaýtarylyp berilýän artyk pul, satyn alnan harytdan gaýtarylyp berilýän pul.

◊ **Gaýtargyňy almak** (*gepl. d.*) öz hereketiňe, aýdan sözüňe görä jogap eşitmek, almytyňy almak. *Goşulmasyz zada goşuldyň, ahyrynda hem gaýtargyňy aldyň.*

**GAÝTARMA I**, *at.* Ir gülleýänler maşgalasyndan bolan, yzgarly ýerde bitýän, sary gülli, beýikligi 1,25 sm-e ýetýän ot.

**GAÝTARMA II**, **1**. *iş ady.* Gaýtarmak ýagdaýy. **2**. *at.* Durmuşa çykandan soň atasy öýüne gaýdyp gelen gelin, çuwalgyz. *Orta boýly, gara gözli, Bir gaýtarma gyzy bardy* (K. Gurbannepesow).

**GAÝTARMAK**, *işl.* **1**. Yzyna ibermek, dolamak, yzyna ugratmak. *Töwella gelenleri gaýtarmak.* **2**. Yzyna serpikdirmek, öwürmek. *Çoluk mallary gaýtardy*. **3**. Bir zady yzyna, öňki eýesine bermek, gowşurmak. *Depderleri eýesine gaýtaryp berdi.* **4**. Bir üýşmek edilende, adamlary hezzetläp ugratmak, köpçüligi sowmak, atarmak. *Satyn alan öküziň giden mähelläni gaýtararmyka diýýän*. **5**. Yzyna guýup garmak, agdarmak (çaý hakynda). *Demlenen çaýy gaýtarmak*. **6**. Edilen ýagşylygy ýerine salmak. *Size ýamanlyk etselerem, ýagşylyk bilen jogap gaýtaryň* (″Nesil″). **7**. Bir zady yzyna eplemek, yzyna gaňyrmak. *Synlaryn gaýtaryp, taýagyn alyp, Elleşdi, hoşlaşdy ata mysaly* (N. Pomma). **8**. Bir zady yzyna serpikdirmek, yza tesdirmek. *Hüjümi gaýtarmak. Aýnanyň gaýtarýan şöhlesi onuň ýüzüne düşýärdi*. **9**. Iýeniň batman, agzyňdan çykmak, gusmak. *Onuň ýüregi bulanyp, birnäçe gezek gaýtardy.* **10**. Kabul etmän, ýol bermän ret etmek. *Teklibi gaýtarmak. Karary gaýtarmak.* **11**. Goýbolsun etmek, yzyna öwürmek, bozmak (söwda hakynda). – *Ýok, şol aýdanym, ýekeje köpügi kem bolsa--da, berjek däl – diýip, iki şaýynyň üstünde bir donuň söwdasyny gaýtarjak boldy* (H. Derýaýew). **12**. Däp boýunça gelni belli bir wagtlyk atasy öýüne äkidip, soňra gaýtarjylap gaýyn öýüne eltmek.

**GAÝTARMAKLYK**, *iş ady.* Gaýtarmak ýagdaýy.

**GAÝTARTMAK**, *işl.* **1**. Gaýtarmak işini birine etdirmek. *Goýunlary gaýtartmak. Çaýy gaýtartmak.* **2**. Iýenini agzyndan getirtmek, gusdurmak. **3**. Däbe görä az wagtlyk atasy öýüne äkidilen gelni soňra gaýyn öýüne gaýtarjylap eltdirmek.

**GAÝTARYJY** [gaýtarjy], *at.* Gelin gaýtarmaga gatnaşýan adam, gelin eltişen adam. *Gaýtaryjylara nahar äberildi*.

**GAÝTARYJYLAP** [gaýtarjyla:p], *hal.* Däbe görä täze edinilen gelni ýa-da durmuşa çykan gyzy gaýyn

öýüne ýa-da atasy öýüne gaýtarmaga gidýän adamlaryň gatnaşmagynda. *Gaýtaryjylap gaýtarmak*.

**GAÝTARYLMAK**, *işl.* **1**. Yzyna dolandyrylmak, yzyna ugradylmak, yza gider ýaly edilmek. *Süri gaýtaryldy.* **2**. Bir zat eýesine berilmek, gowşurylmak. *Amanat kitap eýesine gaýtaryldy.* **3**. Yzyna guýup garylmak, agdarylmak (çaý hakynda). *Çaý öwran-öwran gaýtaryldy.* **4**. Edilen ýagşylyk ýerine salynmak. *Onuň ähli eden ýagşylygy gaýtaryldy*.

**GAÝTARYŞ**, *iş ady.* Gaýtarmak ýagdaýy.

**GAÝTARYŞMAK**, *işl.* **1**. Gaýtarmaga kömek etmek, yza dolaşmak. *Sürini gaýtaryşmak*. **2.** Bilelikde gaýtarmak. *Oglanlar ekinçilige golaý baran düýelerini gaýtaryşyp durdular.* **3**. Gaýtarmaga ýoldaş bolmak, gidişmek, äkidişmek. *Gelin gaýtaryşmak*.

**GAÝTAWUL** [gaýtowul], *at.* Kesgitli ýa-da ýaramaz berilýän jogap, garşylyk.

**GAÝTGYN** [gaýytgyn], *at.* **1**. Daşgynyň, güýçli akymyň peseliş ýagdaýy, ýuwaşama, öňki hetdine geliş. *Bir gije-gündiziň içinde deňizlerde iki gezek daşgyn, iki gezek hem gaýtgyn bolýar.* **2**. Suwuň öňi böwetlenip yza tarap tolkunmagy, suwdan mazaly dolma. *Öňi beklengi suwuň gaýtgyny ep-esli ýere uzalyp gidýärdi.* **3**. Kesellide örgüniň, gyzgynyň peseliş, aýrylyş ýagdaýy. *Onuň gyzgyny indi birneme gaýtgyn berip başlapdy* (B. Seýtäkow). *Gyzamygyň gaýtgyny agyr geçýär.*

**GAÝTMA** [gaýytma], *iş ady.* Gaýtmak ýagdaýy.

**GAÝTMAK**, *işl.* **1**. Yzyňa gitmek, öwrülmek, dolanmak; haýsydyr bir ýerden öýüne gitmek. *Orazsoltan eje göwünsiz berlen jogaby eşidip çykyp gaýtdy* (H. Derýaýew). *–Men-ä gaýtjak. Kakam garaşyp durandyr.* **2**. Inmek, ýykylmak. *Araba ýoluň beýik ýerinden aşaklygyna gaýtdy.* **3**. Gaça durmak, çeke durmak, gaçmak. *Oňa agzy arassa oglandyr öýderdim weli, gaýdýan zady ýok bolara çemeli.* **4**. Aşaklamak, peselmek, azalmak (gyzgyn, çiş, der we ş.m. hakynda). *Gyzgyny gaýtmak. Çişi gaýtmak.* **5**. Bir ýerden başga bir ýere uzalyp gitmek. *Ol ýap baýyrlaryň arasyndan ýylan ýaly towlanyp, egrem-bugram bolup geçip gaýdýar*. **7**. Bir zadyň hakyky möçberinden, mukdaryndan, agramyndan belli bir bölegini kem hasap etmek, aýyrmak. *On kilodan bir kilosyny gaýtmak. Bahasyndan bäş manat gaýtmak.*

◊ **Gaýdyp almak** *ser*. **Gaýtmyşym etmek**. *Adamlar, onuň ýaly bolsa, men aýdan sözlerimi gaýdyp alýaryn* (A. Gowşudow).

**GAÝTMAKLYK**, *iş ady.* Gaýtmak ýagdaýy, hereketi.

**GAÝTMAZLYK**, *iş ady.* Gaýtmak hereketini amal etmezlik, gaýtman ýörmek, gaýtman oturmak, gaýtman durmak.

**GAÝTMYŞYM: gaýtmyşym etmek** öň diýen zadyňy yzyna almak, diýmedigim diýip hasap etmek.

**GAÝYBANA** [ga:ýyva:na], *syp.* **1**. Bir işe, herekete, waka gatnaşygy bolan şahsyň özüni görmän, daşyndan,ýoklugynda bolup geçýän. *Ony gaýybana tanaýardy* (O. Gadamow). **2**. Okuwa yzygiderli gatnaşman, köplenç, özbaşdak taýýarlanylýan okuwyň bir görnüşi. *Gaýybana okuw.*

**GAÝYBANAÇY** [ga:ýyva:naçy], *at.* Gaýybana okaýan talyp.

**GAÝYK**, *at.* Suwda, köplenç, kürek ýa-da motor bilen herekete getirilýän uly bolmadyk ulag serişdesi. *Ol sportuň gaýykda hem-de ýelkenli gämide ýüzmek ýaly görnüşleri bilen hem gyzyklanýar* ("Nesil").

**GAÝYKÇY**, *at.* Gaýyk sürýän adam. *Ata, siz sogan-burç satyň, men bolsam gaýykçylar bilen ýük çekeýin* (B. Seýtäkow).

**GAÝYKÇYLYK**, *at.* Gaýyk sürmeklik käri, hünäri. *Ol ömrüne gaýykçylyk bilen meşgul boldy.*

**GAÝYM** [ga:ýym], *syp.,gepl. d.* **1**. Pugta, mäkäm, berk. *Ol yş galan ýerini gaýym basyrdy* ("Görogly"). **2**. Işine jür, ýetişikli. *Ol Mäti pälwanyň işine gaýym, gepine berk, wagtyna jür adamdygyny bilýärdi* (G. Kulyýew). **3**. Ykjam, tagaşykly, oňaýly. *Bu kätmen ýeňiljek hem otaga gaýymja, başga kätmende işlemek maňa kyn bolýar* (A. Durdyýew).

**GAÝYMLAMA** [ga:ýymlama], *iş ady.* Gaýymlamak ýagdaýy.

**GAÝYMLAMAK** [ga:ýymlamak], *işl., gepl. d.* Gaýym etmek, berk etmek, pugtalamak. *Ýüp bilen gaýymlamak. Direg dikişdirip gaýymlamak.*

**GAÝYMLAMAKLYK** [ga:ýymlamaklyk], *iş ady.* Gaýymlamak ýagdaýy.

**GAÝYMLANMAK** [ga:ýymlanmak], *işl.* Gaýym edilmek, gaýymlap pugtalanmak. *Agaç çelekler demir gurşaw bilen gaýymlandy.*

**GAÝYMLAŞMAK** [ga:ýymlaşmak], *işl.* **1**. *gepl. d.* Gaýymlamaga kömek etmek, kömek edip gaýym bolar ýaly etmek. *Agaç çelegi gaýymlaşdym.* **2**. Gaýym bolup başlamak, berkleşmek, pugtalaşmak. *Biziň dostlugymyz gaýymlaşýar.* **3**. Jür, menikli, gabyl bolmak. **4**. Ykjamlaşmak, tagaşykly, çemeli bolmak.

**GAÝYMLATDYRMAK** [ga:ýymlatdyrmak] *işl., gepl. d., ser.* **Gaýymlatmak**.

**GAÝYMLATMAK** [ga:ýymlatmak], *işl., gepl.d.* Gaýymlamagy birine etdirmek, gaýym etdirmek, pugtalatmak.

**GAÝYMLAÝYŞ** [ga:ýymlaýyş], *iş ady.* Gaýymlamak ýagdaýy.

**GAÝYMLYK** [ga:ýymlyk], *at, gepl. d.* Berklik, pugtalyk, mäkämlik. *Dub agajynyň gaýymlygy.*

**GAÝYN** [ga:ýyn], *at.* Gelniň we ýigidiň ene-atalarynyň we özlerinden uly ýakyn garyndaşlarynyň gelne we ýigide bolan garyndaşlyk gatnaşygyny görkezýän söz. *Senem ogluny alyp, gaýynlaryna gezmäge gitdi.*

◊ **Gaýyn aga** gelniň adamsynyň uly erkek dogany, agasy. **Gaýyn ata 1)** aýalyň (gelniň) äriniň (adamsynyň) kakasyna bolan garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz, adamsynyň kakasy. **2)** erkek adamyň öz aýalynyň kakasyna bolan garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz, öz aýalynyň, gelniniň kakasy. **Gaýyn ekeji** gelniň adamsynyň uly aýal dogany. **Gaýyn ene 1)** aýalyň (gelniň) äriniň (adamsynyň) ejesine bolan garyndaşlygyny aňladýan söz, adamsynyň ejesi. **2)** erkek adamyň öz aýalynyň ejesine bolan garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz, aýalynyň ejesi. **Gaýyn eneň söýüpdir (söýmändir)** nahar iýlip gutarmanka, üstüne gelen (ýa-da saçak ýygnanansoň gelen) adama aýdylýan söz. *Gel, ýagşy ýigit! Naharyň üstüne geldiň, seni gaýyn eneň söýüpdir*. **Gaýyn öýi** gelniň adamsynyň öýleri, gelniň gaýynlarynyň öýi.

**GAÝYŇ I**, *at, ösüml.d.* Ak gabykly dik ösýän uzyn agaç, berýoza.

**GAÝYŇ II**, *at, haýwanat d.* Köpek bilen ganjyk tazynyň çaknyşmagyndan dogan itiň bir tohumy.

**GAÝYP** [ga:ýyp]: **gaýyp bolmak** gözden ýitmek, gürüm-jürüm bolmak, zym-zyýat bolmak. *Guş gözden gaýyp boldy.*

**GAÝYR**, *at.* Derýanyň suwy çekilen ýeri.

◊ **Gaýyr ýer** derýanyň ada taşlan ýerindäki ekerançylyk ýer. *Gaýyr ýeriň topragy küpürsäp duran ýumşak bolýar. Derýanyň ýakyndan akýanlygy üçin toprakdan yzgar çykyp durýar. Şonuň üçin oňa düme gawun-garpyz ekilýär* (Gurbanguly Berdimuhamedow. ″Döwlet guşy″).

**GAÝYRMAK**, *işl., gepl.d.* Bir gymyldy-hereketi amala aşyrmak, ýerine ýetirmek, etmek. *Bulary aýry saklap, Görüň näme iş gaýyrdy* (A. Alamyşow).

**GAÝYŞ** [ga:ýyş], *iş ady.* Gaýmak ýagdaýy.

**GAÝYŞ I**, *at.* **1**. Käbir haýwanlaryň hamyndan taýýarlanylýan teletin, işlenen gön. **2**. *gepl.d.* Bil çeki, guşak, kemer. *Ol jalbarynyň gaýşyny gowşatdy.*

**GAÝYŞ II**, *at.* Ýylanyň gijesine tutulýan ady.

**GAÝYŞMAK**, *işl.* **1**. Az-kem arkan gaýşarmak. *Ol üzeňňili aýaklaryny uzadyp, arkan gaýyşdy* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Razy bolman, makul bilmän durmak. *Bolýa-da onda, Orazsoltan, sizem onda gaýşyp oturmaň* (H. Derýaýew).

**GAÝYŞMAK** [ga:ýyşmak], *işl.* Howada, suwuň ýüzünde gaýyp ýörmek, gaýmalaşmak. *Suw guşlar gaýyşyp edýärler perwaz* (A. Kowusow).

**GAÝYŞMAZLYK**, *işl.* **1**. Arkan gaýşarmazlyk. **2**. Biriniň tersine gitmän, razy bolmak, gaňyrşyna gaýtman, makul bilmek. *Satyjy sygryny has ýokary bahalap duransoň, men ony has bärräk diledim, ýöne olam gaýyşman, zat etmän, meniň dilän nyrhym bilen derrew ylalaşdy*.

**GAÝZYKDYRMAK**, *işl.* Ýüzüni üýtgetmek, ýüzüni gatatmak. *Gapydan girýän sowuk şemal hamyry gaýzykdyrypdyr.*

**GAÝZYKMA**, *iş ady.* Gaýzykmak ýagdaýy.

**GAÝZYKMAK**, *işl.* Ýüzi galňaşyp, daşy gataşyp, çala jaýryklar emele gelmek (sowuk şemal ýa-da epgegiň täsiri netijesinde). *Çopanyň ýüzi-gözi gaýzygypdyr*.

**GAÝZYKMAKLYK**, *iş ady.* Gaýzykmak ýagdaýy.

**GAÝZYGYŞ** [gaýzyğyş], *iş ady.* Gaýzykmak ýagdaýy.

**GAZ** [ga:z] **I**, *at.* Ördekler maşgalasyndan suwda ýüzýän uzyn boýunly ýabany ýa-da eldeki uly guş. *Ýaşylbaş sonalar, gazlar garkyldar, Haly harap düşer köli bolmasa* (Magtymguly).

**GAZ** [ga:z] **II**, *at.* **1**. Giňişlige endigan ýaýramaga ukyply fiziki jisim. **2**. Ýyladyş, yşyklandyryş we ş.m. üçin niýetlenen gaz pisint ýangyçlaryň umumy ady.

**GAZA** [gaza:], *at, kön.s.* Uruş, jeň. *Görüň bu zemini tomaşa kylar, Rahat gaza başlar, huw sesin aňsa* (Magtymguly).

**GAZAK**, *at.* **1**. *ser.* **Gazaklar**. *Gazak halky. Gazak dili.* **2**. Oglana dakylýan at.

**GAZAKLAR**, *at.* Gazagystanyň esasy ilatyny düzýän ýerli halk.

**GAZAKY**: **gazaky goýun** tegelek guýrukly goýnuň bir görnüşi.

**GAZAL**, *at, edeb.* **1**. Goşgy düzülişiň iň gadymy görnüşi bolup, birinji beýdi özara, soňky beýtleriniň ikinji setiri birinji beýt bilen kapyýalaşýan şygryň iki setirli görnüşi. *Baýram han Türkmen özüniň ajaýyp diwanlary we gazallary bilen Gündogaryň sungatyna we medeni mirasyna ägirt uly goşandyny goşdy* (″Türkmenistan″). **2**. *gepl.d.* Goşgy, şygyr; şahyrana setirler. *Ol özüne göwünlik berip, bir gazal aýdýar* (″Görogly″). **3**. Küştdepdiniň ýerine ýetirilýän bendi. *Ýaşlar küşt depip, gazal aýdýarlar.*

**GAZALAMA**, *iş ady.* Gazalamak ýagdaýy.

**GAZALAMAK**, *işl.* Gazap-gazap arassalamak, yzly-yzyna gazamak. *Gazanyň kesmegini gazalamak*.

**GAZALAMAKLYK**, *iş ady.* Gazalamak ýagdaýy.

**GAZALAŞDYRMAK**, *işl.* Bir topar zady gazalamak, köp zady gazap çykmak, gazap arassalaşdyrmak. *Gap-gaçlaryň garasyny, kesmegini gazalaşdyrmak.*

**GAZALAÝYŞ**, *iş ady.* Gazalamak işi.

**GAZALMAK**, *işl.* Gazalyp arassalanmak, kesmegi aýrylmak. *Kesmek gazaldy.Ýarma bişen gazanlar gazalyp ýuwuldy*.

**GAZAMA**, *iş ady.* Gazamak ýagdaýy.

**GAZAMAK**, *işl.* **1**. Bir zadyň kesmegini, ýüzüniň hapasyny gyryp aýyrmak, arassalamak. *Dymdy. Ýerde ýatan çöpi aldy-da, Piliniň gulagny gazap başlady* (A. Atajanow). **2**. Ýer peşemek, ýer dörjemek. *At toýnagy bilen ýer gazaýardy*. **3**. Gaşamak, dyrmamak. *Soňra gazap bulaşdyran sakgalyny barmaklary bilen daraşdyrdy* (H. Derýaýew). **4**. Düýbünden syryp aýyrmak, syrmak (saç, sakgal hakda). *Her gün irden turup, sakgal-murtuny düýbi bilen gazap taýpardyp goýýardy* ("Edebiýat we sungat").

**GAZAMAKLYK**, *iş ady.* Gazamak ýagdaýy.

**GAZAMAZLYK**, *iş ady.* Gazamak hereketini etmezlik.

**GAZAMAT** [gazama:t], *at, taryh.* Tussag saklanýan jaý, tussaghana, türme.

**GAZAN** [ga:zan], *at.* Nahar bişirmek, suw gyzdyrmak we ş.m. üçin ýörite polatdan, çoýundan ýasalan gap.

◊ **Gazan gulagy gyzmazlyk** gazan atarylyp, nahar bişirilmezlik, nahar taýýarlanmazlyk. **Gazan ýaglamak** özüni çirkizmek, özüni zordan gowurmak (ýagy az, ýagly däl et hakynda). *Bu et zordan gazan ýaglajak.*

**GAZANÇ**, *at.* Alynýan girdeji, hak, düşewünt.

**GAZANÇA** [ga:zança], *at.* Kiçiräjik gazan.

**GAZANÇLY** [gazanyşly], *syp.* Puly köp gazanýan, girdejili, düşewüntli. *Gazançly adam. Gazançly kär.*

**GAZANÇLYLYK** [gazanyşlylyk], *at.* Gazanjy köplük, girdejililik, düşewüntlilik. *Ol bu käriň gazançlylygyny aýtdy.*

**GAZANÇSYZ** [gazanyşsyz], *syp.* Gazanjy ýok ýa-da gazanjy az, düşewüntsiz, girdejisiz. *Gazançsyz iş.*

**GAZANÇSYZLYK** [gazanyşsyzlyk], *at.* Gazançly dällik, düşewüntsizlik, girdejisizlik.

**GAZANÇY** [ga:zançy], *at.* **1**. *gepl. d.* Nahar taýýarlaýan adam. **2**. Gazan ýasaýjy, gazan guýujy.

**GAZANDYRMAK** [gazannyrmak], *işl.* **1**. Gazanç etdirmek. *Pul gazandyrmak.* **2**. Eýe boldurmak, maksada ýetdirmek, hasyl etdirmek, amala aşyrtmak. *Bu iş olara şöhrat gazandyrsa gerek.*

**GAZANMA**, *iş ady.* Gazanmak ýagdaýy.

**GAZANMAK**, *işl.* **1**. Girdeji etmek, gazanç etmek, düşewünt etmek. *Bizem, ynha, kakam bar, gyz jigim bar, işläris, gazanarys, hor bolmarys* (A. Durdyýew). **2**. Güýç sarp edip, bir zada eýe bolmak, ýetmek. *Beýik Ýeňiş türkmeniň ogullarynyň gazanan uly gahrymançylykly üstünlikleriniň biridir* ("Türkmenistan").

**GAZANMAKLYK**, *iş ady.* Gazanmak ýagdaýy.

**GAZANYLMAK**, *işl.* **1**. Gazanç edilmek, peýda, düşewünt tapylmak. **2**. Belli bir derejä eýe bolmak.

**GAZANYŞ**, *iş ady.* Gazanmak ýagdaýy.

**GAZAP**, *at.* **1**. Güýçli gahar duýgusy, çakdan aşa gahar. *Onuň gazaby garamtyl ýüzünde gyzgylt öwşün atýardy, dyzaýardy* (B. Kerbabaýew). **2**. Hatar, howp, bela. *Tebigatyň bu gazaby obadaky işleriň hiç birine päsgel berip bilmeýärdi* (B. Pürliýew).

**GAZAPLANDYRMAK** [gazaplannyrmak], *işl.* Güýçli derejede gaharyny getirmek, ganyny gyzdyrmak, gazap atyna atlandyrmak. *Ony ýoldaşynyň sözi gazaplandyrdy.*

**GAZAPLANMA**, *iş ady.* Gazaplanmak ýagdaýy.

**GAZAPLANMAK**, *işl.* **1**. Ganyň gyzmak, örän gaty gaharlanmak. *Peleň gazaplanyp ursa haýbatyn, Dura bilmez, bars nedir, gurt nedir* (Magtymguly). **2**. Güýçlenmek, barha bady artmyp, ýetjek derejesine ýetmek. *Demirgazyk-günbatardan öwüsýän şemal birden güýjedi we gazaplandy.*

**GAZAPLANMAKLYK**, *iş ady.* Gazaplanmak derejesi.

**GAZAPLANYŞ**, *iş ady.* Gazaplanmak ýagdaýy.

**GAZAPLY**, *syp.* **1**. Gahar-gazaby ýüzüne çykyp duran, gylyk-häsiýetinde, edýän hereketinde rehim-şepagat görünmeýän. *Gazaply adam.* **2**. Hatarly, gorkuly, howply; aldym-berdimli. *Ara barha ýakynlaşýardy, gazaply ýakalaşyk ynha-ynha başlamalydy* (G. Kulyýew). *Gazaply uruş gidýärdi*.

**GAZAPLYLYK**, *at.* Gazaby barlyk, gazapsyz dällik, gazaply bolmaklyk. *Ýeliň gazaplylygy.*

**GAZARYLMAK**: **gazarylyp durmak** biriniň golaýyna baryp sömelip durmak, dikilgazyk bolup durmak.

**GAZAŞDYRMAK**, *işl.* **1**. Birnäçe zadyň ýüzüni gazap çykmak, arassalaşdyrmak, gyryşdyrmak. *Gazanlaryň içini gazaşdyrmak.* **2**. *göç.m*. Gaşaşdyrmak, dyrmalaşdyrmak. *Eliniň ýeňsesi bilen eňeklerini gazaşdyrdy* (H. Derýaýew).

**GAZAŞMAK**, *işl.* **1**. Gazamaga kömek etmek. *Gyzy ejesine gazanlaryň kesmegini gazaşdy.* **2**. Bilelikde gazamak. *Ussalar jaýyň köne suwagyny gazaşyp durdular.*

**GAZATMAK,** *işl.* Gazap arassalatmak, gazap hapasyny aýyrtmak. *Gazanyň kesmegini gazatmak. Gabsanyň köne reňkini gazatmak*.

**GAZAW** [gazow], *at, ser.* **Gazawy**.

**GAZAWAT** [gazava:t/gazova:t], *at.* Musulmanlaryň yslam dinine uýmaýanlara garşy alyp baran mukaddes urşy.

**GAZAWY** [gazovy], *at.* Gazanyň kesmegini gazamak, atyň endamyny gaşamak üçin gural, gysga

saply kepjejik. *Gyratyň endamyny gazawy bilen gazady* ("Görogly").

**GAZAWYLAMAK** [gazovulomok], *işl.* Gazawy bilen gazap arassalamak, gazawy bilen syrmak. *Gazany gazawylap gül ýaly edip goýmak*.

**GAZAWYLATMAK** [gazovulotmok], *işl.* Gazawy bilen gazadyp arassalatmak, gazawy bilen syrdyrmak. *Gazany gazawylatmak*.

**GAZAÝAK** [ga:zaýak], *at.* **1**. Saýawanlylar maşgalasyna degişli suwly ýerlerde bitýän, ýumşak baldakly, ýapragy gazyň aýagyna meňzeş ot. **2**. Şol ota meňzeş bejergi nagşy, tikin keşdesi, çitilen nagyş.

**GAZAÝYŞ**, *iş ady.* Gazamak ýagdaýy.

**GAZDYRMAK** [gazzyrmak], *işl.* Gazmak işini birine etdirmek; oýduryp ýazdyrmak. *Her kim öz adyna möhür gazdyrar, ýazylan takdyry kimse bozdurar?* (Magtymguly).

**GAZET** [gaze:t/gazýet], *at.* Gündelik jemgyýetçilik-syýasy durmuş wakalaryna bagyşlanan we ullakan listler görnüşindäki döwürleýin neşir.

**GAZETÇI** [gaze:tçi/gazýetçi], *at.* **1**. *gepl.d.* Gazet işgäri. **2**. Gazet satyjy.

**GAZGANAK** [gazğanak], *at.* Düz ýolda at toýnagynyň we ş.m. yzy sebäpli emele gelen çukurjyk, çukanak. *Şirin başardygyça gazganaklardan sowlup geçmäge çalyşdy* (B. Pürliýew).

**GAZGEÇIRIJI** [ga:zğeçiriji], *at.* Bir aralyga gaz geçirmek üçin çekilen turba. *Körpeje – Gurtguýy gaz geçirijisi*.

**GAZGY** [gazğy], *at.* Ýagyş suwuny saklamak üçin gazylan çukur.

**GAZGYÇ** [gazğyç], *at.* Gazmak, oýmak üçin kepje görnüşli gural.

**GAZLANDYRMAK** [ga:zlannyrmak], *işl.* Suwuklyga gaz garmak, gaz goşmak. *Suwy gazlandyrmak.*

**GAZLANMAK** [ga:zlanmak], *işl.* Gaz garylmak, gaz goşulmak.

**GAZLAŞDYRMAK** [ga:zlaşdyrmak], *işl.* Öýlere we ş.m. ýerlere gaz ýangyjyny geçirmek, gaz çekişdirmek.

**GAZLY** [ga:zly], *syp.* Gazy bar bolan, gazlanan. *Munuň ýaly gazly suwy nireden tapjak.*

**GAZLYLYK** [ga:zlylyk], *at.* Gazy barlyk. *Suwuň gazlylygy onuň ähmiýetini, hilini gowulandyrýar.*

**GAZMA**, *iş ady.* Gazmak ýagdaýy.

◊ **Gazma dutar** tutuş tut agaç böleginiň içi köwlüp, gazylyp ýasalan dutar. **Gazma möhür** gazylyp, oýulyp, hat ýazylyp, şekil salnyp ýasalan möhür. **Gazma nagyş** agajyň, daşyň ýüzi oýulyp salnan nagyş. **Gazma taýak** sözeniň gazylyp alnan köküncen edilen taýak.

**GAZMAK**, *işl.* **1**. Köwüp çukur etmek, oýmak, köwmek, gazuw işini geçirmek. *Oglum, bir ýerden küme gaz diýdi* ("Görogly"). **2**. Ýiti gural bilen oýup, kesip nagyş salmak, möhür ýasamak.

**GAZMAKLYK**, *iş ady.* Gazmak ýagdaýy.

**GAZMAZLYK**, *iş ady.* Gazmak işini amal etmezlik.

**GAZNA**, *at.* Döwlet emlägi we onuň saklanýan jaýy; hazyna.

**GAZNAÇY**, *at.* Gaznany saklaýan adam, hazynaçy.

**GAZSYZLANMAK** [ga:ssyzlanmak], *işl.* Gazsyz bolmak, gazy aýrylmak.

**GAZUW**, *at, ser.* **Gazy**.

**GAZY**, *at.* Suwaryş akabalaryny, ýaplary gazmak, gazuw işlerini geçirmek işi, haşar, gazuw. *Gazy işi iň güzäply işleriň biridi*.

**GAZYÇY**, *at.* Gazuw, gazy işlerini alyp barýan adam.

**GAZY-HAŞAR**, *at.* Ýaplary gazmak, arassalamak işi. *Ýerleri dökünlemek, tekizlemek, gazy-haşar işleri guramaçylykly alnyp barylýar.*

**GAZYK**, *at.* Bir zady baglamak, asmak üçin ýere ýa diwara kakylan çiş, oturdylan agaç ýa-da demir. *Gazykda bir dutar çaň basyp duran eken* ("Görogly"). *Gazygyň daşyna aýlanyp duran atyna assyrynlyk bilen seretdi* (N. Saryhanow).

◊ **Gazygynda garrasyn!** täze edinilen gelin şol ojakda abraý, saglyk, agzybirlik bilen uzak ýaşasyn, ýassykdaşyndan aýrylmasyn, nika bozulmasyn, adamsyna wepaly bolsun diýlip aýdylýan alkyş. **Gazyk bolmak** bellenilen ýerde tapylmak, dikilmek, bir ýerde gymyldaman durmak. *Nirä gitseň git, ýöne agşamara öýde gäzyk bol*. **Gazyk etmek 1)** taýýar etmek, getirmek, dikmek. **2)** (*gepl. d.*) bir işi kemsiz başarmak, kemini goýman hötde gelmek, ýerine ýetirmek. *– Sen bu işi başararmyň? – Gazyk ederin.*

**GAZYKBAGY** [gazykba:ğ / gazykba:ğy], *at.* Ýüpi gazyga, malyň boýnuna baglamagyň bir görnüşi, ýüpüň ujy çekildigiçe bekeýän daňy. *Gazykbagy daňmak*.

**GAZYLMAK**, *işl.* Gazylyp oýulmak, oýulyp çukur edilmek. *Ot ýakmak üçin ojak gazyldy*.

**GAZYNMAK**, *işl.* **1**. Özüň üçin gazmak, özüňe niýetläp gazmak. *Guýy gazynmak. Ýerküme gazynmak. Ojak gazynmak.* **2**. *gepl.d.* Igenip gün bermezlik, azar bermek. *Az zat üçin adama gazynyp durmak gowy däl.*

**GAZYŞ**, *iş ady.* Gazmak ýagdaýy.

**GAZYŞDYRMAK**, *işl.* Birnäçe ýeri gazyp çykmak.

**GAZYŞMAK**, *işl.* **1**. Gazmaga kömek etmek. *Ol ejesine ojak gazyşdy*. **2**. Bilelikde gazmak. *Daýhanlar suw geçirmek üçin ýap gazyşyp ýördüler.*

**GE**, Türkmen milli elipbiýiniň "G" harpynyň ady.

**GEÇ**, *üml*. Geçi kowlanda aýdylýar.

**GEÇEGÇI** [geçeğçi], *at.* **1**. Ýoldan, ýodadan we ş.m. geçip barýan, gidip barýan, ýolagçy, ötegçi. *Bu atly*

*göräýmäge bir geçegçä meňzeýärdi* (A. Gowşudow). **2**. *syp.,göç.m.* Az wagtlyk berlen ömrüň eýesi, ötegçi (adam hakynda). *Ol garrylar näçe günüň adamsydyr öýdýäň, olar bir geçegçidir* (A. Gowşudow).

**GEÇELGE** [geçelğe], *at.* Adam, mal-gara, ulag we ş.m. geçer ýaly ýer, güzer, geçit.

**GEÇEMER**, *at, gepl.d.* Zemzen.

**GEÇEMJEK**, *at.* Käşiriň ýapragyna meňzeş ýaprakly, köki miweli ot.

**GEÇGEL** [geçğel], *syp.,ser.* **Geçginli**. *Bu oglanyň güli şeýle geçgel boldy, hatda bular başga iş etmän, ýeke gül satyp, iýip-içip ýatyrlar* (Erteki).

**GEÇGELLIK** [geçğellik], *at, ser.* **Geçginlilik**. *Söwdada geçgellik gerek.*

**GEÇGIN** [geçğin], *syp., ser.* **Geçginli**.

**GEÇGINLI** [geçğinli], *syp.* Gowy alynýan, hyrydary köp bolan, tiz geçýän, geçgir, geçgel. *Geçginli haryt.*

**GEÇGINLILIK** [geçğinlilik], *at.* Gowy alynmaklyk, tiz geçmeklik, geçgellik, geçginli bolmaklyk.

**GEÇI**, *at.* Goşa toýnaklylar maşgalasyna degişli bolup, gäwüş berýän, çöpüri göni hem uzyn öý haýwany. *Geçä jan gaýgy, gassaba – ýag* (Nakyl). *Ekiz owlakly geçi.*

◊ **Geçiniň öň aýagy ýaly** her bir zada goşulyp, sokulyp, garyşyp duran (adam hakda). **Geçisi (daga) ýaýramak** keýpi kökelmek, şatlanmak, begenmek, **ýüzi-gözi açylmak.**

**GEÇIBERMEK** [geçivermek], *işl.* Duşundan aňryk gidibermek, bir zadyň üstünden ötübermek, aşybermek.

**GEÇIGAPLAŇ** [geçiğaplaň], *at.* Pişikler maşgalasyndan bolan sarymtyl-goňur reňkli süýdemdiriji wagşy haýwan.

**GEÇIGULAK** [geçiğulok], *at.* **1**. *gepl. d., ser.* **Turşuja**. **2**. *gepl. d., ser.* **Belke**.

**GEÇIGUŞ** [geçiğuş], *at.* Guýrugy inçejik, ala ýeleklije guş.

**GEÇILMEK**, *işl.* **1**. Belli bir aralyk ýörelip ötülmek. *Ep-esli ýol geçildi.* **2**. Günäsi bagyşlanmak.

**GEÇIRIJI,** *at.* **1**. *fiz.* Elektrik toguny, sesi, ýylylygy we ş.m. geçirýän jisim. **2**.Suw, gaz, nebit akdyrmak üçin turbalar biri-birine seplenip gurlan desga. *Gaz geçirijisi.*

◊ **Ýarym geçiriji** elektron geçirijiligi bolan jisim.

**GEÇIRIJILIK**, *at.* Öz üstünden elektrik toguny, sesi, ýylylygy we ş.m. geçirmäge ukyplylyk. *Misiň tok geçirijiligi gowy.*

**GEÇIRILMEK**, *işl.* **1**. Bir zadyň üstünden ýa-da içinden ötürilmek, geçirip goýberilmek. *Goýunlar deryadan geçirildi*. **2**. Amala aşyrylmak, ýerine ýetirilmek. **3**. Alnyp barylmak. *Ýaşlaryň arasynda öwüt-ündew işleri yzygiderli geçirilýär.* **4**. Kabul edilmek, alynmak. *Işgärleriň käbiri sözlük düzmek işine geçirildi.* **5**. Başga ýere, işe we ş.m. bellenmek, orny, derejesi üýtgedilmek. *Synpdan synpa geçirilmek*. **6**. Terjime edilmek. *Bu goşgy türkmen dilinden gazakça geçirilipdir.*

**GEÇIRIM**, *at.* Biriniň ýalňyşlygyny, ýetmezçiligini, günäsini ötmek, geçmek başarnygy.

**GEÇIRIMLI,** *syp.* Biriniň ýalňyşlygyny, ýetmezçiligini, günäsini ötüp-geçmegi başarýan. *Geçirimli adam.*

**GEÇIRIMLILIK**, *at.* Geçirimli bolmaklyk. *Geçirimlilik etmek.*

**GEÇIRIMSIZ**, *syp.* Geçirimli däl, geçirimi ýok.

**GEÇIRIMSIZLIK**, *at.* Geçirimi ýokluk, geçirimli dällik. *Geçirimsizlik etmek.*

**GEÇIRIŞDIRMEK**, *işl.* Geçirip çykmak, ählisini, köpüsini geçirmek. *Men çagalary suwly ýapdan geçirişdirdim.*

**GEÇIRIŞMEK**, *işl.* **1**. Geçirmäge kömek etmek. *Çagalary ýapdan geçirişmek*. **2**. Bilelikde geçirmek. **3**. Sowuşmak. *Toý dabarasyny sag-aman geçirişdik.*

**GEÇIRME**, *iş ady.* Geçirmek ýagdaýy.

**GEÇIRMEK**, *işl.* **1**. Bir zadyň üstünden ýa-da içinden, gapdalyndan we ş.m. ötürmek. – *Bolýar, dost, men seni arkama alar-da, ýabyň aňyrsyna geçiräýerin – diýipdir* (Erteki). **2**. Içinden ötürmek, sünçmek, sançmak. **3**. Başga ýere işe bellemek, ornuny üýtgetmek. *Ol: "Meni sürüjilige geçir" diýdi.* **4**. Bir kär, iş bilen meşgul bolup wagt ötürmek. *Ol ömrüni daýhançylykda geçirdi.* **5**. Günäsini ötmek, bagyşlamak. **6**. Alyp barmak, ýolbaşçylyk etmek (ýygnak, maslahat, gürrüň we ş.m. hakda). *Maslahat geçirmek.* **7**. Ýerine ýetirmek, berjaý etmek, amala aşyrmak, hötde gelmek. *Ýer işini geçirmek.* **8**. Terjime etmek, bir dilden başga bir dile öwürmek. *Goşgyny rus dilinden türkmen diline geçirmek* **9**. Bokurdakdan ötürmek, ýuwutmak. *Ol agzyna ýetiren bir tokga etini çalt-çalt çeýnäp, aňry geçirdi* (B. Seýtäkow).

**GEÇIRMEKLIK**, *iş ady.* Geçirmek ýagdaýy.

**GEÇIRMEZLIK**, *iş ady.* Geçirmek işini, hereketini etmezlik.

**GEÇIRTMEK**, *işl.* **1**. Geçirmek işini başga birine ýerine ýetirtmek, berjaý etdirmek, amala aşyrtmak. *Traktorlary köprüden geçirtmek. Ýerleri düzlemek üçin köp işleri geçirtdik.* **2**. Başga birine terjime etdirmek, bir dilden başga bir dile öwürtmek. *Goşgyny rus diline geçirtmek.*

**GEÇISAKGAL**, *at.* Diňe eňekde bolan kiçijik uzyn sakgal, duluklara çykman, diňe eňege çykan sakgal.

**GEÇIŞ**, *iş ady.* Geçmek ýagdaýy. *Geçiş döwri.*

**GEÇIT**, *at, gepl.d.* Geçelge. *Beýik dag geçidi çar töweregi gurşap durdy.*

**GEÇME**, *iş ady.* Geçmek ýagdaýy.

**GEÇMEK**, *işl.* **1**. Bir zadyň bir tarapyndan beýleki tarapyna barmak, aşmak. *Ýapdan geçmek. Ýoldan geçmek. Serhetden geçmek.* **2**. Bir ýerden başga bir ýere barmak, ornuňy, bolýan, işleýän ýeriňi üýtgetmek. *Goňşy otaga geçmek. Töre geçmek. Başga işe geçmek.* **3**. Gowy satylmak, alynmak, hyrydary köp bolmak. *Onuň bazara getiren kişmişi gowy geçdi*. **4**. Günäsini bagyşlamak, ötmek. *Günä geçmek.* **5**. Ara wagt düşmek, möwsüm, pursat, döwür ötmek. *Soňky duşuşykdan bäri ýaňy bir ýyl geçipdi*. **6**. Diýeni bolmak, gepi ýörgünli bolmak. *Arrygyňy gynama, meniň sözüm geçer* ("Edebiýat we sungat"). **7**. Bokurdakdan ötmek, iýilmek. *Haram zat halal adamyň bokurdagyndan geçermikä?* **8**. *göç.m.* Birinden, bir zatdan ýüz öwürmek, el çekmek, owarram etmek. *Ýa menden geç, ýa atańdan* (B. Pürliýew). *Dostuňdan geçmek.* **9**. Hal işligiň şekilini kabul eden *geçmek* işliginden soň *barmak, bermek, bilmek, çykmak, galmak* ýaly işlikler gelip, täze manyly düzümli işlikler ýasalýar: **Geçip bilmek** geçmegiň hötdesinden gelmek. *Suwly ýapdan geçip bilermiň?* **Geçip gitmek** ýaşap ötmek, ötüp geçmek, ölüp gitmek. *Niçe adam bu dünýeden geçip gitdi?!* **10**. Hal işligiň şekilini kabul eden islendik işlikden soň *geçmek* kömekçi işligi gelip, täze manyly düzümli işlik ýasalýar: **Ýeňip geçmek** bir uly kynçylygy ýeňmek. *Kynçylygy ýeňip geçmek.*

◊ **Geçse geçip geçsin** biriniň ýa-da bir zadyň hereketini oňlamaýan adam tarapyndan aýdylýar (islendik düýp derejedäki işlik ilki şert işligiň, yz ýanyndan hem hal işligiň *-yp/-ip* goşulmasyny kabul edip, soňundan hem *geçmek* işliginiň *geç/geçsin* şekili getirilip ulanylýar). *Oba gidýän awtobusam geçse geçip geçsin, indiki maşyna garaşaýaryn. Olam meniň ýokdugymy bilse bilip geçsin*.

**GEÇMEKLIK**, *iş ady.* Geçmek ýagdaýy.

**GEÇMEZLIK**, *iş ady.* Geçmek hereketini amal etmezlik, ýerine ýetirmezlik. *O diýen adamyň-a şu ýoldan geçmändir*.

**GEÇMIŞ**, *at.* **1**. Öten, geçen wagt, köne zaman, köne wagt. *Dünýäniň alymlary geçmişiň ýadygärliklerini gorap saklamak maksady bilen tagallalaryny birleşdirýärler* ("Türkmenistan"). **2**. Geçilen durmuş ýoly, terjimehal, öňki geçilen ömür. *Onuň geçmişi hakyndaky hekaýalaryny diňledim*. **3**. Gadymy, köne. *Geçmiş edebiýatymyzy öwrenmek hem peýdaly, hem gyzykly*.

**GEDA** [geda:], *at.* **1**. *kön.s.* Gedaý. *Müsürde şa bolandan, Kenganda geda bol* (Nakyl). **2**. Bir zadyň yşkynda gezýän, yşky hesere ýolugyp, ser-sepil bolup ýören (adam). *Mätäji diýr boldum geda, ýar ýolunda janym pida* (Mätäji).

**GEDAÝ** [geda:ý], *at.* **1**. Dilegçilik edip eklenýän adam, gapy-gapy aýlanyp güzeran dolaýan adam, dilegçi. *It gedaýdan gorkar, gedaý hem itden* (Nakyl). *Malyny küýseme berimsiz baýyň, Il gezdikçe gözi doýmaz gedaýyň* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Garyp, hiç zady bolmadyk, ýoksul, mätäç. **3**. *göç.m.* Ykmanda, sergezdan. *Ol öýünde tapdyrmaz, mydam gedaýdyr.*

◊ **Gedaý düşmek (galmak)** eklenç üçin serişdesiz galyp, garyp düşmek, güzeran dolandyryp bilmän ýörmek. **Gedaý gezmek** zat diläp el sermek, güzeran görmek üçin gapy-gapy aýlanyp, dilegçilik etmek, gedaýçylyk etmek. **Gedaý goýmak** eklençsiz, serişdesiz galdyrmak, garyp düşürmek, tozdurmak.

**GEDAÝÇYLYK** [geda:ýçylyk], *at.* Gedaýyň ýagdaýy, dilegçilik. *Gedaýçylykdan iş bolmaz*.

**GEDAÝLAŞDYRMAK** [geda:ýlaşdyrmak], *işl.* Gedaý galmaga sezewar etmek, gedaý, garyp düşürmek.

**GEDAÝLAŞMAK** [geda:ýlaşmak], *işl.* Gedaýlyk ýagdaýyna düşmek, ykdysady taýdan pese düşmek, garyplaşmak.

**GEDAÝLYK** [geda:ýlyk], *at, ser.* **Gedaýçylyk**. *Agzalalyk weýranlyga, gedaýlyga sebäp bolýar* (B. Kerbabaýew).

**GEDEM**, *syp.* Özüni hondanbärsi tutýan, ulumsy, gopbamsy. *Ne tama bar çakyr içen gedemden, Buzahor ýagşyny, ýasy näbilsin?* (Magtymguly).

**GEDEMLIK**, *at.* Gedemiň gylyk-häsiýeti, ulumsylyk, gopbamlyk.

**GEDEMSI**, *syp.* Gedem häsiýetli, gedem, gopbamsy. *...Gedemsi adam öz gününem bulaýar, töweregindäkileriňem* (A.Nazarow).

**GEDEMSILIK**, *at.* Gedemsi häsiýetlilik, gopbamsylyk.

**GEDEMSIREME**, *iş ady.* Gedemsiremek ýagdaýy.

**GEDEMSIREMEK**, *işl.* Özüňi gedem alyp barmak, gedemsilik etmek, gopbamsyramak.

**GEDEMSIREMEKLIK**, *iş ady.* Gedemsiremek ýagdaýy.

**GEDEMSIREŞMEK**, *işl.* Birnäçe bolup gedemsiremek, gopbamsyraşmak.

**GEDEMSIRETMEK**, *işl.* Gedemsiremäge ýol bermek, gedemsilik etmäge ündemek, gopbamsyratmak.

**GEDEMSIREÝIŞ**, *iş ady.* Gedemsiremek ýagdaýy.

**GEŽ**, *at.* Ýeriň duza meňzeş digir-digir berk gatlagy. *Diwarlary gež bilen suwalypdyr*.

**GEKTAR** [gekta:r / gekda:r], *at.* **1**. Ölçegleriň metrik sistemasynda meýdanyň 10 000 $m^2$ deň bolan ölçegi, *ga* bilen aňladylýar. **2**. *gepl.d.* Kärendesine alnan ýer. *Ol gektar aldy. Ýaňy gektardan geldi.*

**GEKTARLYK** [gekta:rlyk / gekda:rlyk], *syp.* Bir gektar möçberindäki, gektara barabar bolan (meýdan).

**GELBÄRI** [gelvä:ri], *ser.* **Gellebäri**. *Günleriň birinde ol bir-iki sany janlyny soýagadan, "aýdan-diýenim bardy" diýdi-de, giçden soň oba adamlaryny gelbäri etdi* (Ý. Mämmediýew).

**GELDI-GEÇER** [gelli-ğeçer], *syp.* "Bar zat wagtlaýyn, gelşi ýaly geçip gidýär" diýen pikire eýerip, her bir zada jogapkärçiliksiz garaýan, ugursyzlyga, durnuksyzlyga ýol berýän (adam hakynda). *Ýek-tük geldi-geçerler käýarym tanalmazlykdan işgärleriň hataryna düşäýýär* (K. Berdiýew). *Geldi-geçer adam. Özüňe tabşyrylan işe geldi-geçer garamak bolmaz.*

**GELDI-GEÇERLIK** [gelli-ğeçerlik], *at.* **1**. Geldi--geçer gylyk-häsiýetlilik, başdansowmalyk, işiňe jogapkärçilikli garamazlyk. *Geldi-geçerlige ýol bermezlik.* **2**. Işgärler düzüminiň üýtgäp durujylygy, işgärleriň işleýän ýerinde saklanman, işden çykyp durmagy. *Maslahat işgärleriň geldi-geçerligine ünsi çekdi.*

**GELE-GELMÄNE** [gele-ğelmä:ne], *hal.* Bada-bat, ýüzüniň ugruna, dessine, tiz. *Olar gele-gelmäne işe başladylar*.

**GELEGURT** [geleğu:rt], *at.* Topar bolup gezýän has ýyrtyjy möjekler topary. *Bu golaýlarda men gelegurt bar sesini eşidemok* (A. Gowşudow).

**GELEJEK**, *hal, ser.* **Geljek**.

**GELEŇ**, *at.* Üns, alada. *Ol çagalary näme işlese-de geleň etmezdi.*

**GELEŇSIZ**, *syp.* Alada etmeýän, sowuk-sala, biagyry, biperwaý. *Aýna beýle tünt, beýle geleňsiz maşgala däl ahyry* (B. Kerbabaýew).

**GELEŇSIZLIK**, *at.* Geleň etmezlik, aladasyzlyk, biagyrylyk, sowuk-salalylyk, biperwaýlyk. *Geleňsizlik edip, seniň ýumşuňy ýadymdan çykarypdyryn, meni bagyşlaweri, gardaş.*

**GELEŞIK,** *at.* Bir zady ýerine ýetirmek hakynda ikitaraplaýyn ylalaşyk, şertnama. *Söwda geleşigi.Geleşik baglaşmak.*

◊ **Geleşige gelmek** birnäçe bolup belli bir maslahata gelmek, bir çukura tüýkürmek, ylalaşyga gelmek. *Beýle çekeleşip durmaly-da, geleşige geläýeli-le!*

**GEL-GEL** [gel-ğel], *hal.* "Ahyr soňy, iň soňunda"; "eýsem, eýsem-de bolsa", diýen manylarda ulanylýan nägileligi aňladýan söz. *Gel-gel, biziňki şeýle bolaýmalymy*.

**GEL-GIT** [gel-ğit], *at.* **1**. Baryş-geliş, gatnaşyk, gatnaw. *Olar bilen gel-gidimiz zordy* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Biriniň öýüne barýan, gelýän adam. *Pylanylaryň gel-gidi kän*.

**GELIBERMEK** [gelivermek], *işl.* Gelip başlamak, gelip ugramak, gelmegini dowam etdirmek.

**GELIM-GIDIM** [gelim-ğidim], *at.* **1**. Bir iş, zerurlyk üçin bir ýere barma-gelme, gelme-gitme, gatnaşma, yzygiderli hereket. *Juwan günlerinde gara gijeler, Gözleri ot bolup ýanan bu merdan Iripdi, iripdi gelim-gidimden, Onuň dynç alasy gerdi birmeýdan* (G. Ezizow). **2**. Biri-biriň bilen edilýän özara gatnaşyk, oturylyşyk, goňşy-golamçylyk gatnawy. *Onuň gelim-gidimi, aýdym-sazy-da köpelipdi* (H. Derýaýew).

**GELIM-GIDIMLI** [gelim-ğidimli], *syp.* Köp gatnawly, myhman-mediwanly, baryş-gelişli. *Ol gelim-gidimli öýüň bikesi, ýagşyny-ýamany, köpi gören heleýdi* ("Edebiýat we sungat").

**GELIN**, *at.* **1**. Täze durmuşa çykan ýaş aýal maşgala. *Gelin saljak jaýyňy göreli*. **2**. Durmuşa çykan ýaş aýala ýüzlenilip aýdylýan söz. *Haý-u, gelin!*

◊ **Gelin çagyrmak** gelin edinen ýeriň ýakyn hossarlary tarapyndan sylag-serpaý, hezzet-hormat üçin gelni myhmançylyga çagyrmak. **Gelin gaýtarmak** däp boýunça alnan gelni atasy öýlerine wagtlaýyn eltmek.

**GELINBARMAK** [gelinmarmak], *at.* **1**. Üzüm agajy. **2**. Şol agajyň süýri, süýji, gabygy ýuka miwesi. **3**. Hala, çuwala, joraba, palasa, gyňaja salynýan barmaga meňzeş nagyş we onuň ady.

**GELINÇEK**, *at.* Uly ak gülli, ýaşyl-gyzgylt reňkli, dilkawja ýaprakly, zäherli bir ýyllyk otjumak ösümlik.

**GELIN-GYZ** [gelin-ğy:z], *at.* Gelinler we gyzlar, ýaş aýal maşgalalar. *Gelin-gyzlar ýaş-ýeleňler hiňňildik uçýardy* (B. Kerbabaýew). *Haly önümlerini dokaýan gelin-gyzlarymyza hormat goýýarys* ("Türkmenistan").

**GELINLIK**, *at.* **1**. Gelin ediniljek gyz, gelin edinmek üçin göz astyna alynýan, niýetlenýän, bellenilip goýulýan gyz. *Oba aýallary gelinlik hakynda gürrüň edenlerinde ilki bilen Altynyň adyny tutardylar* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Gelin bolmak ýagdaýy, durmuşa çykan gyzyň gelin döwri. *Abadan jan, gelinlik saňa gaty düşüpdir* (H. Derýaýew).

**GELIP-GITMELI**, *syp*. Akyly şeýle bir dury däl, akyly üýtgäp duran.

**GELIP-GITMELIRÄK** [gelip-gitmelirä:k], *syp*. Akyly kemräk. *Ol şeýle bir adam däldir, gelip-gitmeliräkdir.*

**GELIŞ**, *iş ady.* Gelmek ýagdaýy. *At şol gelşine-de, mähelläniň duşundan geçip gitdi* ("Türkmenistan").

**GELIŞDIRMEK**, *işl.* **1**. Laýyk etmek, ýaraşykly etmek, jaýba-jaý etmek. *Söýesini, bosagasyny gelişdirip, gabsany jaýdar oturtdy.* **2**. *gepl. d.* Ylalaşdyrmak, barlyşdyrmak, razylaşdyrmak. *Iki söwdagäri gelişdirmek dellala ýeňil düşmedi.*

**GELIŞMEKI**, *işl.* Iki-ýekeden gelmek, kem--kemden gelmek, yzly-yzyna gelip ugramak. *Adamlar hem az-azdan gelişýär.*

**GELIŞMEK II**, *işl.* **1**. Gelşikli bolmak, ýaraşmak, laýyk bolmak, gelşigine gelmek. *Onuň şol görnüşi*

*daýaw göwresine kemsiz gelişýärdi* (B. Kerbabaýew). **2**. *gepl.d.* Ylalaşmak, razylaşmak, barlyşmak. *Olar maşynyň bahasyny kesgitlemekde gelişmediler.*

**GELIŞMEZLIK**, *işl.* **1**. Gelşigine getirmezlik. *Saňa gök penjeg-ä gaty bir gelşenok*. **2**. Ylalaşyp bilmezlik.

**GELJEK**, *at.* **1**. Indiki ýakyn wagtda, mundan buýana boljak, ýüze çykjak zat (iş, ýaşaýyş we ş.m. hakynda). *Geçene ökünme, geljekden çekinme* (Atalar sözi). *Ol indi geljek hakynda, bagt guşuny elden gidermezlik barada küýlenýärdi* (G. Kulyýew).

◊ **Geljek zaman** *dil b.* işiň, hereketiň, gymyldynyň gelejekde boljagyny aňladýan işlik şekili.

**GELLEBÄRI** [gellevä:ri], **gellebäri etmek** (*gepl. d.*) öýüňde kiçiräk üýşmeleň etmek. *Ol giçden soň goňşy-golamlary çagyryp, gellebäri etdi.*

**GELME**, *iş ady.* Gelmek ýagdaýy.

**GELMEK**, *işl.* **1**. Bir ýerden ikinji bir ýere ýa-da biriniňkä barmak, ýetmek. *Bize myhman geldi. Olaryň gapysyna bir maşyn gelip durdy.* **2**. Ýüze çykmak, peýda bolmak, döremek. *Gije dümtünip otyrkam, kelläme bir oňat pikir geldi.* **3**. *gepl.d.*, *ser.* **Gün: güni gelmek**. *"Indi biziňki gelen bolsa gerek" diýip, bir-iki günläp ýere, göge sygman gezdi*. **4**. *Gel-* asyl işligi hal işligiň *-yp, -ip* goşulmasyny kabul edenden soň *ýatmak* işligi gelip, täze manyly düzümli işlik ýasalýar: **Gelip ýatmak** köp sanly adam yzy kesilmän gelmek, gelip durmak. *Myhman bolsa gelip ýatyr, Giň howluda ýer tapanok...* (K.Gurbannepesow). **5**. Hal işligiň *-yp, -ip* goşulmasyny kabul eden işlikden soň *gelmek* işligi gelip, täze manyly düzümli işlik ýasalýar: **Alyp gelmek** başga bir ýerden ikinji bir ýere getirmek, eltmek; äkelmek, getirmek. **Görüp gelmek** başga bir ýere gidip, görjek zadyňy görüp, soňundan hem oňki ýeriňe gaýdyp barmak. *Oba gidip, ýörite kakamy görüp geldim.*

◊ **Geldim – eşek, gitdim –eşek** işlemäge baran ýerinde iş etmeýän adam hakynda aýdylýar. **Gelene – ýeňňe, gidene – baldyz** ýersiz ýere sokjarylýan, öň ýetene ýakynsyraýan adam hakynda aýdylýar. **Gelen yzyňy ýel bozmanka (çalmanka)** bada-bat,derrew, gelen dessiňe, eglenmän. **Gelen ýagşy!** agşamara aýak ýygnanandan soň, gapydan "Giç ýagşy!" diýip gelen adama aýdylýan jogap sözi. **Geler ýerde gelmezlik** bir ýerde eglenip, irikgä etmek, köp garaşdyrmak. *Olardan geler ýerde gelmediň-le!?*

**GELMEKLIK**, *iş ady.* Gelmek ýagdaýy.

**GELMEZLIK**, *işl.* Gelmek hereketi amal edilmezlik, gelip bilmezlik.

**GELMIŞEK**, *syp., gepl. d.* **1**. Bir ýere ýat ýerden talap gözläp ýa zerurlyk bilen göçüp gelen, başga ýerli. **2**. Bir ýurtdan ikinji ýurda ýaman niýet bilen aralaşan, içaly.

**GELNALYJY**, *at.* Dabaraly ýagdaýda gelin getirmäge, almaga gidýän adamlar. *Gelnalyjy ugrady*.

**GELNALYJYLAMAK**, *işl.* Dabaraly ýagdaýda gelni gelnalyjy, atbaşçy ugradyp getirmek, gelni uly dabara bilen getirmek.*Ýöne, oglum, atbaşçylap, gelnalyjylap alaýsak gowy boljak* (A. Durdyýew).

**GELNEJE**, *at.* **1**. Özüňden uly agaň, doganoglanlaryň gelnine degişlilikde ulanylýan garyndaşlyk aňladýan söz. **2**. Özüňden uly aýala ýüz tutulyp aýdylýan söz. *Gel, gelneje!*

**GELŞIK**, *at.* Owadanlyk, görk, görmek; ýaraşyk. *Her işiň haýry ýagşy, toýuň gelşigi bagşy* (Nakyl).

◊ **Gelşigine gelmek** owadanlaşmak, görküne gelmek, görke girmek.

**GELŞIKLENMEK**, *işl.* Gelşigine gelmek, gelşikli bolmak, owadanlanmak, görklenmek. *Don jäheklenen soň, gelşiklenen ýaly boldy.*

**GELŞIKLI**, *syp.* Gelşip duran, gelişýän, hemme zady ýerbe-ýer, ýaraşykly; tagaşykly; owadan, görmegeý. *Öýüň içi Permanyň ozalky görşi ýaly arassa hem gelşiklidi* (T. Taganow). *Gelşikli ýigit*.

**GELŞIKLILIK**, *at.* Gelşikli bolmaklyk, owadanlyk, görmegeýlik, ýaraşyklylyk. *Gelşiklilik adamyň ýaraşygydyr.*

**GELŞIKSIZ**, *syp.* **1**. Gelşigi ýok, gelşikli däl, betgelşik, görksüz, görmeksiz. **2**. Öz mertebesine, derejesine, adyna laýyk däl, aýyp, ýerliksiz. *Uly adam ses edip, aglap otursa, birhili gelşiksiz görülýär* ("Edebiýat we sungat"). *Gelşiksiz hereket*.

**GELŞIKSIZLIK**, *at.* Gelşikli dällik, gelşigi ýokluk.

**GELŞIN** [gelşi:n], *hal*. Bir ýerden gelýän wagtyňda, gelýärkäň, ýüz ugra, *gidişin* sözüne garşylykly manyly söz. *Gelşin ýol ugrundaky dükandan, bar bolsa, diýen zadyňy özüm alaýaryn.*

**GELŞIRILMEK**, *işl.* **1**. Gelşigine getirilmek, ýaraşykly edilmek. **2**. Bir zat ýerinde goýulmak, jebis, laýyk getirilmek, oňarylmak. *Gapy, äpişgeler ýerlerine gelşirildi.* **3**. *göç.m.* Jaýdar aýdylmak, ýerine düşürilmek. *Ýok, bu bir gelşirilip aýdylan söz diýip, oňa garşy çykdy.*

**GELŞIRIŞDIRMEK**, *işl.* Gelşirip çykmak, ýerbe-ýer edişdirmek.

**GELŞIRIŞMEK**, *işl.* Gelşirmäge kömek etmek; bilelikde gelşirmek.

**GELŞIRMEK**, *işl.* **1**. Bir zady ýerinde goýmak, laýyk getirmek, ýerine getirmek, jebis getirmek, gelşigine getirmek. *Ussa gapyny gelşirip, ýerinde oturtdy. Gapyny gelşirip ýap.* **2**. *göç.m.* Ýelmemek, urmak, sugşurmak. *Şu iki arada onuň hossary oglanyň çekgesine gelşirdi.* **3**. *göç.m.* Jaýdar aýtmak, ýerine düşürmek.

**GELÜW-GIDÜW** [gelüw-ğiduw], *at, ser.* **Gelim-gidim**.

**GEMIRÇEK**, *at.* Malyň beden süňküniň gaty, berk süňke öwrülmeýän ýeri, kitirdewük. *Döşüň gemirçegi. Bokurdagyň galkan şekilli gemirçegi.*

**GEMIRME**, *iş ady.* Gemirmek ýagdaýy.

**GEMIRMEK**, *işl.* **1**. Diş bilen kertip iýmek. *Biz joýanyň gyrasynda oturyp, paçagy gatamadyk ternäni hatyrdadyp gemirdik* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Zaýalamak, haraplamak. *Süňke urup, pyçagyň ýüzüni gemripsiň. Paltanyň ýüzüni daşa urup gemirmek.* **3**. *göç.m.* Biriniň gazanjjyny öz peýdaň üçin harçlamak, sowmak, iýmek. *Sen agaň arkasyndan iki-üç ýyl hojalygy gemirdiň* (A. Gowşudow).

**GEMIRMEKLIK**, *iş ady.* Gemirmek ýagdaýy.

**GEMIRMEZLIK**, *iş ady.* Gemirmek hereketini etmezlik, gemrip durmazlyk, gemrip oturmazlyk, gemrip ýörmezlik.

**GEMIRTGE**, *at.* Kiçijik bişmedik terne. *Tagamlyja gemirtge agzyňa hoş ýaraýar.*

**GEMIRTMEK**, *işl.* **1**. Gemirmäge mejbur etmek, gemirmäge mümkinçilik döretmek. *Terne gemirtmek. Süňk gemirtmek.* **2**. Zaýalatmak, haraplatmak. *Süňke urup, pyçagyň ýüzüni gemirdipsiň. Piliň ýüzüni gemirtmek.*

**GEMMIK**, *syp.* Alyn dişleri gopan, ýokarky dodagy agzynyň içine ýykylyp duran.

**GEMMIKLIK**, *at.* Gemmik görnüşlilik.

**GEMRE**, *at.* **1**. Mal ýatagynda birnäçe ýyl bäri gat-gat bolup baslygan ders. *Ýatakdaky gemräni goparyşdyryp aýyrdyk.* **2**. *gepl.d., ser.* **Gasňak II**.

**GEMRIJI,** *at.* **1**. Alyn dişleri güýçli ösen syçan, alaka we ş.m. süýdemdiriji haýwan. *Diňe bir gemriji siziň biriňiziň ýarym salkyn azap edip ýygnan gallaňyz ýaly gallany ogurlapdyr* (N. Esenmyradow). *Gemrijilere garşy göreşmek*. **2**. *göç. m.* Jemgyýetiň emlägini iýiji, ogry.

**GEMRIK**, *syp.* Ýüzi, agzy, gyrasy gemrilen, gädilen.

**GEMRIK-GEMRIK**, *syp.* Köp sanly gemrik emele gelen. *Piliň ýüzi posdan ýaňa gemrik-gemrikdi* (B. Seýtäkow).

**GEMRILIŞMEK**, *işl.* Gyrasynyň, ýüzüniň birnäçe ýeri gemrilmek.*Gäminiň gyralary gemrilişip, sepleri açylyşyp çagşan bir halda görünýärdi* (B. Kerbabaýew).

**GEMRILMEK**, *işl.* **1**. Diş bilen gemrilip iýilmek. *Ite gemrilen süňk taşladylar*. **2**. Ýüzi gaýtmak, ýüzi, gyrasy gädilip zaýalanmak.

**GEMRIŞ**, *iş ady.* Gemirmek ýagdaýy.

**GEMRIŞDIRMEK**, *işl.* Gemrip çykmak, gemrip gutarmak, gemrip iýmek. *It öňüne oklanan süňkleri gemrişdirip çykypdyr.*

**GEMRIŞMEK**, *işl.* **1**. Birnäçe bolup gemirmek. **2**. Biri-biri bilen agyz urup uruşmak. *Daşarda iki sany it gemrişip durdy*. **3**. Basalaşmak, dalaşmak. – *Çagalar, beýdip gemrişip durmaň.*

**GEN**, *at.* Nesilden nesle geçijiligiň iň ýönekeý birligi.

**GENETIK**, *at.* Genetikadan hünärmen.

**GENETIKA**, *at.* Biologiýada organizmleriň döreýiş şertlerini, olaryň üýtgeýişlerini we nesilden nesle geçiş kanunalaýyklaryny öwrenýän ylym.

**GENÇ**, *at.* Hazyna, baýlyk, mülk, mal. *Biz erkana zähmetde tapdyk tükenmez genji, Her kim söýse zähmeti, ünji etmez eklenji* (N. Annagylyjow).

**GENDE** [genne], *syp., at.* **1**. Porsy, erbet ysly; pis, hapysa. *Ýaby aýdar: "Men gende, Üstüme münen bende, Azabym köpdür günde, Günüm arman içinde"* (Magtymguly). **2**. Ýagşyny, ýamany bilmeýän, durnuksyz, ugursyz (adam). *Diliňi sakla gybatdan, gybat gendä ýaraşar* (Baýly şahyr).

**GENDELE** [gennele], *at, balykç.* Ownuk balyk tutmak üçin simden gapyrjak görnüşinde ýasalan tor.

**GENDEREW** [gennerew], *at.* Malyň garnyny çişirýän zäherli ýabany ot.

**GENERAL** [genera:l], at Goşunda, awiasiýada we flotda ýokary komanda düzüminiň serkerdelerine dakylýan harby at ýa-da dereje.

**GENERALISSIMUS** [generali:ssimus], *at.* Iň ýokary harby at.

**GENERAL-LEÝTENANT** [genera:l-leýtena:nt], *at.* General-maýordan soňky harby dereje.

**GENERAL-MAÝOR** [genera:l-maýo:r], *at.* Ilkinji generallyk derejesi.

**GENERAL-POLKOWNIK** [genera:l-polko:wnik], *at.* General-leýtenantdan soňky harby dereje.

**GENERATOR** [genera:tor], *at.* Mehaniki energiýany elektrik energiýa öwürýän maşyn. *Ol generatorlara serenjam etmegi-de ussatlyk bilen başarýardy* (K. Berdiýew).

**GENIAL**, *syp.* **1**. Hetdenaşa zehinli, artykmaç döredijilik ukyby bolan. *Genial adam. Genial alym.* **2**. Geniý bolan adama häsiýetli; döredijilik taýdan juda kämil. *Genial akyl. Genial eser.*

**GENIÝ**, *at*. **1**. Zehinliligiň, talantlylygynyň ýokary, aňrybaş derejesi. **2**. Şol hili ýokary zehine, talantlylyga eýe bolan döredijilik adamy.

**GENJI-HAZYNA** [genji-hazy:na], *at.* Kän baýlyk, mal-mülk, hazyna.

**GENOFOND** [genofo:nd], *at*. **1.** Uzak wagtyň dowamynda biologik görnüşiň saklanyp galmagyna mümkinçilik berýän genleriniň jemi. **2**. Jemgyýetiň, jemgyýetçilik toparyň, haýsydyr bir häsiýetli aýratynlyklarynyň jemi. *Milletiň genofondy*.

**GEŇ**, *syp.* Garaşylmadyk täsin, üýtgeşik, düşnüksiz, geň-taň zatdan galýan täsir. *Geň habar. Geň zatlar.*

◊ **Geň galmak**geňlemek, haýran galmak. *Abadan kalbynda dörän bu özgerişe geň galyp, köp oýlandy*

(T. Gurbanow). **Geň görmek** görüp duran zadyňa geňirgemek. *Men onuň bolup durşuny geň gördüm*.

**GEŇ-ENAÝY** [geň-ena:ýy], *syp.* Üýtgeşik, geňsi, täsin, ajaýyp. *Her ýurt myhmana öňi bilen geň-enaýy zatlaryny görkezýär* ("Edebiýat we sungat")

**GEŇ-ENAÝYLYK** [geň-ena:ýylyk], *at.* Üýtgeşiklik, geňlik, geňsilik, täsinlik, ajaýyplyk.

**GEŇEŞ**, *at.* **1**. Bir mesele boýunça biri-biriň arasynda geçýän maslahat. *Ertirden soň atadyr ogullaryň arasynda kiçijik geňeş boldy* (A. Gowşudow). **2**. Bir mesele hakynda pikir alyşmak maksady bilen geçirilýän ýygnanyşyk, ýygnak, maslahat.

◊ **Geňeş toýy** toý edilmezinden öň toýuň çykdajylary, tutumy, çagyryljak adamlar we ş.m. hakynda pikir alyşmak üçin toý eýesiniň özüne ýakyn adamlar bilen geçirýän maslahaty.

**GEŇEŞÇI** [geňeşşi], *at.* **1**. Geňeş berýän adam, geňeşdar. **2**. Käbir wezipeli adamlaryň maslahatçysy. *Döwlet geňeşçisi. Ilçihananyň geňeşçisi.*

**GEŇEŞDAR** [geňeşda:r], *at.* Maslahat, öwüt--nesihat berýän geňeşçi. *Ozaly atamyň-babamyň geňeşdary Kösedir* ("Görogly").

**GEŇEŞILMEK**, *işl.* Islendik mesele hakynda biri bilen maslahatlaşylmak, birinden maslahat soralmak, geňeş edilmek.

**GEŇEŞIŞ**, *iş ady.* Geňeşmek ýagdaýy.

**GEŇEŞLI**, *syp.* Maslahatly, ylalaşykly. *Geňeşli biçilen don gysga bolmaz* (Nakyl).

**GEŇEŞLILIK**, *at.* Özara maslahatlylyk, ylalaşyklylyk. *Her bir meselede geňeşlilik gowy zat.*

**GEŇEŞME**, *iş ady.* Geňeşmek ýagdaýy.

**GEŇEŞMEK**, *işl.* Islendik mesele hakynda biri bilen maslahatlaşmak, birinden maslahat soramak, geňeş etmek.*Toýuň geňeşini edeýin diýip kakamlara gitdim.*

**GEŇEŞMEKLIK**, *iş ady.* Geňeşmek ýagdaýy.

**GEŇEŞMEZLIK**, *iş ady.* Geňeş etmezlik, geňeşip durmazlyk.

**GEŇEŞSIZ**, *syp.* Maslahat, geneş edilmän.

**GEŇEŞSIZLIK**, *at.* Maslahatly dällik, geneşli dällik.

**GEŇIRGEME** [geňirğeme], *iş ady.* Geňirgemek ýagdaýy, derejesi.

**GEŇIRGEMEK** [geňirğemek], *işl., ser.* **Geňirgenmek**.

**GEŇIRGEMEKLIK** [geňirğemeklik], *iş ady.* Geňirgemek ýagdaýy.

**GEŇIRGEMEZLIK** [geňirğemezlik], *iş ady.* Geň görmezlik.

**GEŇIRGENDIRMEK** [geňirğennirmek], *işl.* Geň galdyrmak, haýran galdyrmak. *Ýygnagyň häzirki duýdansyz çagyrylyşy ony her niçigem bolsa biraz geňirgendiripdi* (B. Kerbabaýew).

**GEŇIRGENIŞ** [geňirğeniş], *iş ady.* Geňirgenmek ýagdaýy.

**GEŇIRGENIŞMEK** [geňirğenişmek], *işl.* Birnäçe adam geňirgenmek. *Ýaşulynyň gürrüňini çagalar geňirgenişip diňleýärdiler.*

**GEŇIRGENME** [geňirğenme], *iş ady.* Geňirgenmek ýagdaýy.

**GEŇIRGENMEK** [geňirğenmek], *işl.* Geň görmek, geň galmak, geňirgemek. *Her aýlawyň uzynlygynyň bir kilometrdenem az-kem artygrakdygyny aýdanlarynda, geňirgensegem syr bildirmändik* ("Türkmenistan").

**GEŇIRGENMEKLIK** [geňirğenmeklik], *iş ady.* Geňirgenmek ýagdaýy, derejesi.

**GEŇIRGETMEK** [geňirğetmek], *işl.* Geň galdyrmak.

**GEŇIRGEÝIŞ** [geňirğeýiş], *iş ady.* Geňirgemek ýagdaýy

**GEŇLEME**, *iş ady.* Geňlemek ýagdaýy.

**GEŇLEMEK**, *işl.* **1**. Geň-taň görmek, geň görmek, geňirgemek. *Köçede öz peýwagtyna hiňlenip barýan geýnüwli adama gabat gelen ýolagçylar ony geňleýärdiler* (A. Gowşudow). **2**. *göç.m.* Aýyp görmek, aýyp hasaplamak. *Beýle oda-köze düşüberseň, illeriň geňläýmegi mümkin ahyry.*

**GEŇLEMEKLIK**, *iş ady.* Geňlemek ýagdaýy, derejesi.

**GEŇLEMEZLIK**, *iş ady.* Geň görmezlik, geňläp durmazlyk. **GEŇLENMEK**, *işl.* Geň görülmek, aýyp görülmek. *Geňlenýän hereket*.

**GEŇLEÝIŞ**, *iş ady.* Geňlemek ýagdaýy.

**GEŇLIK**, *at.* **1**. Geň halda bolmaklyk, üýtgeşiklik, täsinlik. *Ýagdaýyň geňligi köp adamlary haýran etdi.* **2**. Gyza dakylýan at.

**GEŇSI**, *syp.* Üýtgeşikden gowy, täsin. *Gül açypdyr otlar geňsi, Akmy, sary, ýaşyl-gyzyl* (Ç. Aşyr).

◊ **Bir geňsi 1**) hemme babatda artykmaç, göze gelüwli. *Goňşymyzyň durmuşa çykan gyzyna bir toýda gabat geldim, bir geňsi gelin bolup otyr.* **2**) üýtgeşik, täsin, geň-enaýy. *Onuň bir geňsi gepleýşine goja içinden güldi* (B. Seýtäkow).

**GEŇSIDURLUK**, *at.* Gara öýüň durluklarynyň arasyndan edilýän kiçijik durluk.

**GEŇSILIK**, *at.* Oňatlyk, gowulyk, ajaýyplyk, hezillik. *Indi obamyzda hemme zat bar, bir geňsilik bolaýdy.*

**GEŇ-TAŇ** [geň-ta:ň], *syp.* **1**. *ser.* **Geň**. **2**. Geň, aýyp, gelşiksiz. *Bu adamyň atasyndan hem, oglundan hem hiç bir zady geň-taň görmeli däldigini Gurt **gaty** gowy bilýärdi* (A. Gowşudow).

◊ **Geň-taň görmäýin!** ýaramaz zady göreniňde aýdylýan aňlatma (köplenç, aýal maşgalalar tarapyndan ulanylýar). *Goňşusynyň serhos halda bolgusyz aýdyma*

*gygyryp barşyny gören bir oral aýal: "Geň-taň görmäýin" diýip, iki eli bilen ýakasyny tutdy*.

**GEŇ-TAŇLYK** [geň-ta:ňlyk], *syp.* **1**. *ser.* **Geňlik**. **2**. Geňlik, aýyplyk, gelşiksizlik.

**GEŇZEW** [geňzöw], *at*. Burnuna salyp gürleýän adam, saňruk.

**GEŇZEWI** [geňzöwü], *at, sazç*. Dutaryň dördünji perdesi we şol perdeden başlanýan heňler.

**GEOGRAF** [geýo:gyraf], *at*. Geografiýadan hünärmen.

**GEOGRAFIK** [geýogyra:fik], *syp.* Georafiýa degişli. Deňiz mili 1852 metre, geografik mil 7440 metre deňdir.

**GEOGRAFIÝA** [geýogyra:fiýa], *at*. **1**. Ýeri, onuň üstüni, tebigy şertleri bilen bilelikde, ilatyň ýerleşişini, janly tebigatyny we ykdysady serişdelerini öwrenýän ylymlar toplumy. *Fiziki geografiýa. Ykdysady geografiýa.* **2**. Okuw dersiniň ady.

**GEOLOG** [giýo:loğ], *at*. Geologiýadan hünärmen. *Geologlar halk hojalygyny ösdürmäge uly goşant goşýarlar*.

**GEOLOGIK** [giýolo:ğik], *at*. Geologiýa bilen baglanyşykly, geologiýa mahsus, geologiýa häsiýetli. *Ýeriň geologik gurluşy*.

**GEOLOGIÝA** [giýalo:ğiýa], *at*. Ýer gabygynyň gurluşyny, düzümini, taryhyny, Ýerdäki organiki ýaşaýşyň gelip çykyşyny, gazylyp alynýan peýdaly baýlyklary we olaryň ojaklaryny öwrenýän ylym. *Geologiýa degişli ençeme möhüm açyşlar edildi*.

**GEOMETRIÝA** [geýome:triýa], *at*. **1**. Matematikanyň jisimiň giňişlik şekillerini we gatnaşyklaryny öwrenýän bölümi. **2**. Okuw dersi.

**GEP**, *at*. **1**. Pikir alyşmak üçin aýdylýan söz, gürrüň. *Bir gep az, iki gep kän* (Atalar sözi). **2**. Biri hakynda edilýän gürrüň, gybat. *Gyz bar nep getir, gyz bar gep getir* (Nakyl). **3**. Birine berilýän wada, äht. *Birden gepinden dänäýse nädip bor?* **4**. Maslahat, geňeş. *Biz bularyň gepi bilen bu ýere gelen däldiris* ("Görogly"). **5**. *göç.m.* Esasy iş, mesele. *Gep, elbetde, çynlakaý işlemekde*.

◊ **Gep atyşmak** biri-biriň bilen sanaşyp oturmak. **Gep başy bolmak** gep-gürrüňiň sebäpkäri bolmak. *Men gepbaşy bolanyma gynanýaryn*. **Gep bermek** bir zat hakynda biriniň ýüregini çişirmek, birini başga biriniň garşysyna küşgürmek. *Birisine gep berip, ol birine al berme!* (Mollanepes). *Kim-de bolsa biri muňa gep berip, ýüregini çişiripdir öýdýän* (A. Gowşudow). **Gep çagalatmak** *ser.* **Gepi köpeltmek**. *Bize gep çagaladyp oturmak nämä gerek?!* **Gep çekmezlik** biriniň aýdan ýerliksiz sözüne söz bilen gaýtawul bermek, gaýtargy bermek. **Gep çintgemek** gepiň maksadyna, manysyna düşünmek üçin yzly-yzyna soramak. *Hoşgeldi bu hakda mundan artyk gep çintgemegi islemedi* (A. Gowşudow). **Gepde tutulmak** gepiň ýalan çykmak, iki hili gürläp, özüňi paş etmek. **Gepe düşmez** aýdylan gürrüňe düşünmeýän, dikdüşdi, keçje. *Sen-ä bir gepe düşmez adam ekeniň-aý!* **Gepe galmak** bir bolgusyz hereketiň üçin gürrüňiň edilmek. **Gepe gitmek** biriniň aýdan sözlerine ynanyp, nädogry hereket etmek. **Gep getirmek 1)** ýaramaz hereketiň bilen hossaryňy biabraý etmek; **2)** şugulçylyk, gybat üçin maglumat ýygnamak, gybat toplamak. **Gep gezdirmek** biriniň gürrüňini ikinji birine aýtmak, gürrüň ýaýratmak, gybat etmek. **Gepi başga ýana sowmak** edilýän gürrüňden ünsi sowmak, esasy gürrüňden gyşarmak. *Magtymguly gepi başga ýana sowup jogap berdi* (G. Kulyýew). **Gepi iki çykmak** ýalan sözlemek. **Gepi köp** özüniň nähili pikir edýänini, nireden gopýanyny bilmesi kyn, köp gepli. *Ol gepi köp adamdy*. **Gepi köpeltmek** her hili gürrüň, bahana tapmak. *Gepiňi köpeltme, ýöräber!* (B. Seýtäkow). **Gepiň astynda galmak** gyjalatly gep-gürrüňiň eýesi bolmak, öz adyňa ýakymsyz gürrüň aýdylmak. *Iliň gepiniň astynda galmajak bolsak, ynamy ödemeli bolarys*. **Gepiň başyny agyrtmak** bir zat hakynda köp gürrüň etmek, her hili gürrüňe ýetmek. **Gepiň eýesi bolmak** özüň hakynda ýaramaz gep-gürrüň edilmek, gybatyň edilmek. **Gepiň gerdişine görä** gepiň ýeri gelende, gabady gelende. *Gepiň gerdişine görä, beýleki oturanlar hem Babanyň tarapyny tutdular* (R. Gelenow). **Gepiň gysgasy** gürrüňiň gutaran ýeri, gepiň tümmek ýeri, umuman aýdanda. *Gepiň gysgasy, hojalygyň ýagdaýy bütinleý üýtgedi* ("Edebiýat we sungat"). **Gepiňi gögertmek** öz aýdanyňy etdirmek, öz teklibiňi geçirtmek, eňegiňe tutup, diýeniňi etdirmek. **Gepiň körügi, ýeriň ýarygy**"gowulykdan başga bar zat senden turýan eken" diýen manyda ulanylýan aňlatma. **Gepiň tümmek ýeri** *ser.* **Gepiň gysgasy**. **Gep nokatlamak** şol bir gürrüňi köp gezek gaýtalamak, takal okamak, gürrüňi uzaltmak. *Men bu ýere siziň bilen gep nokatlaşyp-oýnaşyp oturmaga gelemok* (A. Gowşudow). **Gep owadanlamak** hiç zat etmän, dilde hemme zady ýerbe-ýer etmek. *Ol gep owadanlady*. **Gep urşundan (urşy)** birine bir zat diýşinden, gürrüň berşinden, gep atyşyndan, gepleýşinden, gürrüň edişinden. *Adamyň kimdigini onuň gep urşundan aňmak bolýar. Myhman, gaty görme, siziň gep urşuňyz gülmez ýaly däl* (N. Saryhanow). **Gep ýençgilemek** *ser.* **Gep nokatlamak**. *Gep ýençgiläp oturmalyň-da, netijä geleliň*. **Gep ýokmaz** hiç hili söz täsir etmeýän, diýleni etmeýän, nesihat almaýan. – *Sähet, ol gep ýokmaza töwella etme, goýber! – diýdi* (A. Gowşudow).

**GEPBAŞY**, *at*. Gepiň, gürrüňiň edilip başlanmagyna sebäp bolýan zat, ýagdaý, adam.

◊ **Gepbaşy bolmak** gep-gürrüňiň sebäpkäri bolmak. *Men gepbaşy bolanyma gynanýaryn*.

**GEPBAZ** [gepba:z], *syp*. Gepe ussat, gep tapmaga ökde. *Gepbaz adamlary ýamanlamaga ýalan ýerden hem söz taparlar* (A. Gowşudow).

**GEPBAZLYK** [gepba:zlyk], *at*. Gepbaza mahsus bolan gylyk.

**GEPÇI**, *syp*. Gep gezdirýän, şugulçy, gybatçy.

**GEP-GEŇSI**, *syp*. Ajaýyp, örän gowy, oňat, allanäme, üýtgeşik, kemsiz, kössüz. *Ol gep-geňsi bolup otyr*..

**GEP-GEŇSILIK**, *at*. Gülala-güllük, allanämelik, oňatlyk, gowulyk. *Munda hiç neneňsilik ýok, asyl gep-geňsilik*.

**GEP-GÜRRÜŇ**, *at*. Dürli habar, maglumat,täzelik, dürli gürrüň, gep. *Ol adam bu kinaýaly gep-gürrüňlere näme jogap berjegini bilmedi* (T. Gurbanow).

◊ **Ile gep-gürrüň bolmak** il içinde özüň hakda ýaramaz gürrüň ýaýramak, gybatyň edilmek, ile gürrüň bolmak.

**GEP-GÜRRÜŇSIZ**, *hal*. Hiç bir bahana tapman, ikirjiňlenmän, ýaýdanman. *Magtymguly bu sapar ussanyň mürähetini gep-gürrüňsiz kabul etdi* (G. Kulyýew).

**GEP-GYBAT** [gep-gy:vat], *at*. Biri hakynda edilýän ýaramaz gep-gürrüň, myjabat.

**GEPLEME**, *iş ady*. Geplemek ýagdaýy.

**GEPLEMEK**, *işl*. **1**. Gürläp başlamak, söz açmak, bir dilde sözläp bilmek. *Şahyr gürrüňdeşlerine göwünlik berip gepledi* (G. Kulyýew). **2**. Ýygnakda we ş.m. ýerde söz sözlemek, çykyp gürlemek. *Ýygnagyň başlygy oturanlara ýüzlenip: "Ýene kim geplejek?" diýip sorady*.

◊ **Geplemek geplemek** *gepl.d.* köp wagtlap geplemek, janygyp geplemek. – *Senem märekede ile gezek bermän, geplemek geplediň-aý*. **Çykyp geplemek** ýygnakda öňe çykyp söz sözlemek. *Çykyp gepländer öz işleri hakynda gürrüň berdiler*.

**GEPLEMEKLIK**, *iş ady*. Geplemek ýagdaýy.

**GEPLEMEZEK**, *syp*. Köp geplemegi halamaýan, az gepleýän.

**GEPLEMEZEKLIK**, *at*. Dymmalyk, geplemän oturmaklyk. *Onuň nahar başynda geplemezeklik häsiýeti bardy*.

**GEPLEMEZLIK**, *iş ady*. Hiç zat aýtmazlyk, diýmezlik, gepläp durmazlyk. – *Senem bir zat diý-dä, ýöne geplemän otyrsyň!?*

**GEPLEMSEK**, *syp*. Köp gürleýän, geplegen, geplemäni halaýan, ýaňra.

**GEPLEMSEKLIK**, *at*. Köp geplegenlik; ýaňralyk. *Onuň geplemsekligi ýoldaşlaryny irizdi*.

**GEPLENMEK**, *işl*. **1**. Köpçülik öňünde, ýygnakda söz sözlenmek, gürrüň edilmek. **2**. Käýelmek.

**GEPLEŞDIRMEK**, *işl*. Gürleşmäge, sözleşmäge mümkinçilik bermek, iki adamy gepleşmek üçin duşuşdyrmak. *Telefonda gepleşdirmek*.

**GEPLEŞIK**, *at*. **1**. Bir ýagdaýy, wakany we ş.m. anyklamak, düşünişmek üçin pikir alyşmaklyk, geçirilýän gürrüň, edilýän maslahat. *Gepleşikler örän aç-açan we ähmiýetli boldy* ("Türkmenistan"). **2**. Radio, telewizor arkaly berilýän gürrüň, habar. **3**. Bir zat hakynda wadalaşyp, bir karara geliş. *Şeýle gepleşikden soň, ol işiň ugruna çykdy*. **4**. *dil b.* Şiweleriň ýerli sözleýiş aýratynlygy.

**GEPLEŞMEK**, *işl*. Pikir alyşmak maksady bilen sözleşmek, gürrüňleşmek. *Bu adam bilen arkaýyn gepleşmek mümkin*.

**GEPLETMEK**, *işl*. **1**. Geplemäge mümkinçilik bermek, gürrüň berdirmek. *Haýsyňyzy gepletseň, hondanbärsi bolan bolup otyrsyňyz* (B. Pürliýew). **2**. Ýygnakda we ş.m. ýerlerde söz sözletmek, çykyş etdirmek. *Ýygnagyň başlygy çykyş etjekleri gepletdi*. **3**. *göç.m.* Biriniň diýmedik sözüni diýdirmek. *Meni gepletseň, seninem dost bolmadygyňdyr*.

**GEPLEÝIŞ**, *iş ady*. Geplemek ýagdaýy.

◊ **Gepleýiş (sözleýiş) medeniýeti** *dil b.* edebi gepleýişde ulanylmagy zerur bolan dürs geplemek özboluşlylygy, dogry geplemegiň kadalary.

**GEPLI,***syp*. Yzy dawaly, gürrüňli. *Şu işiň soňy gepli bolaýmasa-da biridir!*

**GER**, *bagl.,k. d.* Eger. *Magtymguly, ger doýursaň bir ajy, Mälimdir tapar sen bu ýerde hajy* (Magtymguly). *Ger başyň asmana ýetse, Peşeden uly bolmagyn* (Baýly şahyr).

**GERB**, *at*. Bir döwletiň, respublikanyň, şäheriň baýdakda, pulda, möhürde we ş.m. tapawutlandyryş nyşany, tugra. *Türkmeni halk, millet hökmünde gadymdan bäri dünýä tanadyp gelen buýsanjymyzyň – ahal-teke atynyň şekili Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň döwlet gerbinde orun aldy* ("Türkmenistan").

**GERBI** [gervi], *at*. **1**. Çyrpy, kürte, başatgyç ýaly başa atylýan eşikleriň ýeňlerini birikdirýän, birleşdirýän ala ýüp. **2**. Howudyň çomusynyň aşagyndaky içi sypalsyz bölegi. *Ussanyň tiken howudynyň gerbisi örän gowy eken*.

**GERÇE**, *gir. s.,k. d.* Meger, meger-de, ähtimal, belki. *Gerçe sözüň ýalany bar, Gözi ýolda galany bar* ("Görogly").

**GERÇEK**, *at*. **1**. *kön.s*. Hakyky, dogry, çyn. *Müňkür olma, gerçek işdir, eýlärler* (Magtymguly). **2**. Edermen, batyr, çyn är. *Gerçeklere duş bolsam* (Magtymguly). **3**. Işan-pirleriň, sopularyň ýolbaşçysy.

**GERDEK**, *at*. **1**. Ýaş çatynjalaryň (gelin bilen ýigidiň) oturyp-turmagy üçin öýüň bir burçunda ýa bir

tarapynda mata-marlak bilen edilen germew, tuty. *Gelin bolmasagam, gerdekden garapdyk* (Nakyl). **2**. *kön. s.* Çadyr. *Oguz zamanynda bir ýigit öýlense, ok atardy. Oky nirä düşse, onda gerdek dikerdi* ("Kitaby dädem Gorkut").

**GERDEN**, *at.* Boýundan goluň başlanýan ýerine çenli bolan aralyk, egin.

◊ **Gerdeninde çekmek** bar agramy, hysyrdysy üstüne düşmek, bar agramyny götermek.

**GERDENLEK**, *syp.* Gerdeni ýasy, eginlek, çiginlek. *Gerdenlek ýaşuly.*

**GERDIRMEK**, *işl.* Germek işini birine etdirmek. *Ol ýuwulgy geýimleri sermek üçin ýüp gerdirdi.*

**GERDIŞ**, *at, kön.s.***1**. Döwür, wagt, zaman, eýýam. *Aýlandy gerdişler, ýetdi döwranlar* (Magtymguly). **2**. Aýlanyş, hereket, dolanma. *Pany dünýäniň gerdişi, Bir düýpsüz ýalana meňzär* (Zelili).

◊ **Gepiň gerdişine görä** aýdylýan sözüň ugruna, ýagdaýyna görä. *Meniň aýdanlarymdan many ogurlajak bolup oturma, men-ä ol sözi gepiň gerdişine görä diýip goýberdim*. **Gerdiş-i çarh** (**gerdişi-çarh**) Aý-Günüň gelip-geçip durmagy. *Ýaranlar, gerdiş-i çarhyň elinden, Bu meniň ýüregim para-paradyr* (Magtymguly).

**GERDIŞ-GERDAN** [gerdiş-ğerda:n], *at, ser.* **Gerdiş 2**.

**GEREGE** [gereğe], *at.* Göçülende tärim, uk, çagaryk ýaly öý goşlary ýüklenýän ýük. *Öküzine, sygryna bar goşuny gerege edip, çagasyny mündürip barýanlar-da bardy* (B. Kerbabaýew).

**GEREGIÇE** [gereğiçe], *hal.* Islendikçe, näçe gerek bolsa, geregınçe. *Geregiçe ýylylyk bolsa, örän oňat gögerýär.*

**GEREGIM** [gereğim], *at.* **1**. *gepl.d.* Ýaşy könelişen aýallaryň ýaşlara ýüzlenip aýdýan mylakatly sözi. **2**. Çagaňa ýa-da söýýän gyzyňa mähir bilen ýüzlenip aýdylýan söz.

**GEREGIŇÇE** [gereği:ňçe], *syp., ser.* **Geregiçe**. *Hojalyklarda zähmet düzgün-nyzamynyň guralyşyna geregiňçe ähmiýet berilmelidir*.

**GEREK**, *ugrukd.* **1**. Möhüm, zerur, derkar. *Uzyn boýly, giň gujakly, Gözel gerekdir ýigide* ("Görogly"). **2**. Şert işliginden soň gelip, aýdylýan zadyň bolmagynyň mümkindigini aňladýar. *Şol gelýän atam bolsa gerek. Ertir şähere gitsem gerek.* **3**. Öten zamanyň *-dy, -di* goşulmasyny kabul edip, belli bir ýöňkemede üýtgän işlikden soň gelip, bir gymyldy-hereketiň bolup geçendigini anyklamak ýa-da nygtamak üçin ulanylýar. *Sen oňa bergiňi berdiň gerek? Dostsuran bolup, onuň seniň garşyňa işleýändigine indi göz ýetirdiň gerek!* **4**. Gyza dakylýan at.

◊ **Geregi çykmak** soň gerek bolmak, gereklenmek. *Ätiýaçlyk şaýlarynyň derde ýararlysyny ýa satyşdyrdy, ýa geregi çykaýmasyn diýip, özi ýygnap goýdy*. **Gregiňi artdyrmak** özüňi has gerekli hasaplatmak, özüňi arzylatmak, näziňi çekdirmek.

**GEREKLEME**, *iş ady.* Gereklemek ýagdaýy.

**GEREKLEMEK**, *işl.* Bir zat ýa-da biri gerek bolup, ony tapmagyň ugruna çykmak, idemek. *Seni gereklän wagtyň hiç ýerden tapyp bolmaýar.*

**GEREKLEMEKLIK**, *iş ady.* Gereklemek ýagdaýy.

**GEREKLENMEK**, *işl.* Bir zat ýa-da biri gerek bolup, ony tapmagyň ugruna çykylmak, gerekli zat ýa-da adam idelmek, isleg bildirilmek. *Garaköli baganalar dünýäniň ähli ýurtlarynda-da gereklenýär.*

**GEREKLETMEK**, *işl.* Özüňi gerekli hasap etdirmek, geregiňi artdyrmak. *Ol özüni gerekletdi*.

**GEREKLEÝIŞ**, *iş ady.* Gereklemek ýagdaýy, derejesi.

**GEREKLI,** *syp.* **1**. Degerli, ýerlikli, berk. *Türkmenabatdaky tejribe abatlaýyş-mehaniki zawodynyň peçlerinde eredilen polatdan ýörite galyplara guýmak arkaly gerekli we gymmatly şaýlaryň täze tapgyry ýasaldy* ("Türkmenistan"). **2**. Gerek bolan, zerur, derkar. *Ol gerekli buraw enjamlaryny alyp, çaltrak brigadasyna barjakdy* (B. Kerbabaýew).

**GEREKMEZ**, *syp*. Gerek bolmajak, gerekli däl. *Gerekmez zatlar*.

**GEREKSIZ**, *syp.* Gerek däl. *Gerekli zady gereksizkä al* (Nakyl).

**GEREKSIZLIK**, *at.* Gerek dällik. *Ony gereksizligi üçin öýde goýup gaýtdym.*

**GEREK-ÝARAK**, *syp.* Adam üçin gündelik durmuşda gerekli, ulanylýan (zatlar hakynda). *Gerek-ýarak zatlar.*

**GEREŇ**, *at, kön.s.* Ker. *Aýby gulagy gereň* ("Görogly").

**GERGENEK** [gerğenek], *at.* Goýun-geçi, owlak-guzy tutmak üçin ulanylýan ujy toýnukly çopan taýagy; gaňrak. *Eli gergenekli çopan*.

**GERGIT** [gerğit], *at.* Guşlaryň ganatynyň eplenýän ýeri.

**GERILGI** [gerilği], *syp.* Gerlip goýlan, ýazgyn asylyp goýlan, dartylan. *Gerilgi tuty. Gerilgi ýüp.*

**GERILMEK**, *işl.* Gerlip goýulmak. *Diwara gerlen haly arassa jaýa görk berýär.*

**GERIM**, *at.* Işiň ýaýbaňlanyşynyň, baryş, gidiş depgininiň möçberi. *Wagyz etmek işi giň gerim aldy*.

**GERINDIRMEK** [gerinnirmek], *işl.* Gerner ýaly etmek, gerinmegi arkaly el-aýagyny ýazdyrmak.

**GERINJIREME**, *iş ady.* Gerinjiremek ýagdaýy.

**GERINJIREMEK**, *işl.* Çala gernip, el-aýagyňy ýazmak. *Çagajyk pallap gerinjiredi.*

**GERINJIREMEKLIK**, *iş ady.* Gerinjiremek ýagdaýy.

**GERINJIREÝIŞ**, *iş ady.* Gerinjiremek ýagdaýy.

**GERINME**, *iş ady.* Gerinmek ýagdaýy.

**GERINMEK**, *işl.* Elleriňi güýjüň ýetdiginden öňe, yza, aşak-ýokaryk uzadyp, beden damarlaryňy ýazmak.

**GERINMEKLIK**, *iş ady.* Gerinmek ýagdaýy.

**GERINMEZLIK**, *iş ady.* Gerinmek hereketi edilmezlik, gernip durmazlyk.

**GERIŞ I**, *iş ady.* Germek ýagdaýy.

**GERIŞ II**, *at.* **1**. Boýnuň çykýan ýeriniň ýeňse tarapy, ýagyrny. **2**. Haýwanyň boýnunyň başlanýan ýeriniň üstündäki tümmüje ýer. *Garly aga eşegini debsiläp, gerşine dürtdi* (G. Gurbansähedow).

**GERIŞ III**, *at.* Gumuň, dagyň, baýryň eşegarka bolup gidýän ýeri.

**GERIŞDIRMEK**, *işl.* Gerip çykmak, baryny germek.

**GERIŞ-GERIŞ** [geriş-ğeriş], *at.* Gumuň, dagyň, baýryň köp geriş bolup duran ýeri. *Geriş-geriş daglar.*

**GERIŞMEK**, *işl.* **1**. Germäge kömek etmek. *Men oňa ýuwlan eşikleri serilýän ýüpi gerişdim.* **2**. Bilelikde germek. *Adamlar toý dabarasy geçjek ýeriň daşyna el halylary gerşip durdular*.

**GERJEŞDIRMEK**, *işl.* **1**. Gerişdirmek, dartdyryp germek, çekip germek. *Içmekçi eýlän derisini gerjeşdirip ýazdy.* **2**. Gözleriňi, gabaklaryňy germek, gerişdirmek. *Ol ýellenen gabaklaryny gerjeşdirdi*.

**GERJEŞIK**, *syp.* **1**. Gerlip goýlan, dartylyp duran.

**GERJEŞMEK**, *işl.* Gerlip, çekilip, dartylyp durmak ýa-da gözüni gerjeşdirip oturmak (*ser.* **Gerjeşdirmek 2**.). *Ol haçan görseň kompýuteriň öňünde gerjeşip işläp oturandyr*.

**GERK-GÄBE** [gerk-gä:ve]: **gerk-gäbe bolmak (doýmak)** köp iýip, gaty doýmak.

**GERME**, *iş ady.* Germek ýagdaýy.

**GERMEÇ**, *at.* Türkmen gara öýüniň gapysynyň aşak etegine gerilýän agaç ýa-da germelýän ýüpüň üstüne atylýan keçe, kilim bölegi. *Ol germejiň üstaşyry içerik ätledi*.

◊ **Germeç bolmak** bir işe, täzelige garşy çykmak, päsgel bermek, böwet bolmak. *Ol onuň aýagyna germeç bolýardy.* **Germejine çekmek (bermek)** biriniň arkasyna, ýagyrnysyna urmak.

**GERMEÇLEMEK** [germeşlemek], *işl.* **1**. Gara öýüň işiginiň agzyna germeç goýmak. **2**. Çalt-çalt, batly ädimläp ýöremek.

**GERMEK**, *işl.* **1**. Çekip, dartdyryp asmak, ýazmak, dartyp ýazyşdyrmak. *Penjirä tuty germek. Diwara haly germek.* **2**. Iki tarapa uzatmak, ýaýmak, açmak, ýazmak (ganat,gol we ş.m. hakda).

**GERMEKLIK**, *iş ady.* Germek ýagdaýy.

**GERMELMEK**, *işl.* Päsgelçilik üçin keseligine goýulmak, germäp goýulmak. *Mal-gara geçmez ýaly geçelgä agaç germeldi*.

**GERMEME**, *iş ady.* Germemek ýagdaýy.

**GERMEMEK**, *işl.* Bir ýeriň daşyna ýa-da gapynyň, penjiräniň öňüne we ş.m. ýere germew goýup ýapmak, baglamak.

**GERMEMEKLIK**, *iş ady.* Germemek ýagdaýy.

**GERMEMEZLIK**, *iş ady.* Germemek işini ýerine ýetirilmezlik, germäp durmazlyk.

**GERMESATAN**: **germesatan bolmak 1)** iki-baka köp ylgamak, iki arada galmak. *Çagam iki öýüň arasynda germesatan bolub-a galdy* (A. Gurbanow). **2)** gerlip durmak, gerjeşmek (adam hakynda). **Germesatan etmek** elinden-aýagyndan tutup götermek.

**GERMEŞDIRMEK**, *işl.* Germäp çykmak, ählisini, hemmesini germemek. *Agaçlaryň aralaryna geýim sermek üçin ýüp germeşdirdik*.

**GERMEŞIK**, *syp.* Keseligine, dikligine germelip, dartylyp goýlan.

**GERMEŞMEK**, *işl.* **1**. Germemäge kömek etmek. *Ýüp germeşmek. Sim germeşmek.* **2**. Bilelikde germemek (hal işligiň goşulmasyny kabul eden *germe-* düýp işliginden soň *durmak, ýörmek* işligi getirilip ulanylýar). *Adamlar ýatagyň daşyna agaç germeşip durdular*.

**GERMETMEK**, *işl.* Germek işini başga birine etdirmek. *Agaçlaryň arasyna sim germetmek.*

**GERMEW** [germöw], *at.* Ýoly, gädigi, geçelgäni beklemek, baglamak üçin ýa-da bir zadyň daşyna aýmança etmek üçin germelýän, keseligine goýulýan agaç, sim bölegi we ş.m. *Ýapyşar ýaly germew tagtasy hem ýokdy*.

**GERMEÝIŞ**, *iş ady.* Germemek ýagdaýy.

**GERNIŞ**, *iş ady.* Gerinmek ýagdaýy.

**GERNIŞMEK**, *işl.* Birnäçe bolup gerinmek, ýerli-ýerden gerinmek. *Ýatan çagalar gernişip, ýerlerinden turdular*.

**GERŇEME**, *iş ady.* Gerňemek ýagdaýy.

**GERŇEMEK**, *işl.* Bir zady iki bolup, gapdalyndan, ujundan tutup götermek, göterip äkitmek, germelemek. *Olar agajy gerňäp alyp gitdiler.*

**GERŇEMEKLIK**, *iş ady.* Gerňemek ýagdaýy.

**GERŇETMEK**, *işl.* Gerňemegi başga birine etdirmek.

**GERŇEÝIŞ**, *iş ady.* Gerňemek ýagdaýy.

**GERT**, *at.* Gumdan, elenýän undan we ş.m. bölünip aýrylýan has ownuk, ýeňil kirşen, çaň, toz. *Telpegimiň gerdi – ýokam, Bir tegelek nana ýetjek* (K. Gurbannepesow).

**GERTDIRMEK**, *işl.* Gaty dartmak, çekmek. *Göle gertdirip, nogtasyny dartdy* (A. Gowşudow).

**GERTHANA** [gertha:na], *at.* Degirmende unuň gerdiniň üýşürilýän ýeri.

**GETIRILMEK**, *işl.* Bir ýerden ikinji bir ýere alnyp gelinmek, getirilip berilmek. *Şahyr getirilen çaýdan bir käse içdi* (G. Kulyýew).

**GETIRINMEK**, *işl.* Özüň üçin getirmek. *Suw getirinmek*.

**GETIRIŞ**, *iş ady.* Getirmek ýagdaýy, getirip biliş.

**GETIRIŞDIRMEK**, *işl.* Bir ýerden başga bir ýere kem-kemden hemmesini getirmek.

**GETIRIŞMEK**, *işl.* **1**. Getirmäge kömek etmek. *Men oňa odun getirişdim*. **2**. Bilelikde getirmek.

**GETIRME**, *iş ady.* Getirmek ýagdaýy.

**GETIRMEK**, *işl.* **1**. Bir ýerden başga bir ýere alyp gelmek, äkelmek. *Giden getirer, oturan nyrh sorar* (Nakyl). **2**. Hasyly köp bitmek, kän düwmek, hasylly bolmak. *Bu ýyl üzümimiz ýagşy getirdi* (A. Gowşudow).

**GETIRMEKLIK**, *iş ady.* Getirmek ýagdaýy, derejesi.

**GETIRMEZLIK**, *iş ady.* Getirmek hereketi ýerine ýetirilmezlik.

**GETIRTMEK**, *işl.* Getirmek işini başga birine etdirmek. *Bir çäýnek çaý getirt.*

**GEÝDIRILIŞMEK** [geýdirlişmek], *işl., gepl.d.* **1**. Biri bilen uruşmak, basalaşmak, garpyşyp gitmek, ýakalaşmak. *Horaz ýaly, biri-biriňiz bilen geýdirilişmäge-de utanjak däl-ow siz!* (B. Pürliýew). **2**. *göç.m.* Biri-biriňe jogap gaýtaryp, dawalaşyp durmak.

**GEÝDIRILMEK I**, *işl.* **1**. Eşigi egnine sokulmak, geýindirilmek. **2**. Eşik bilen üpjün edilmek, eşik äberilmek, eşikli edilmek. **3**. Bir zat ikinji zatdan asylmak, ildirilmek, ildirilip goýulmak.

**GEÝDIRILMEK II**, *işl., gepl.d.* Biriniň üstünden düşmek, birine jabjynyp, käýinip ugramak. *Biriniň üstüne ýerliksiz geýdirilmek*.

**GEÝDIRIŞMEK**, *işl.* Geýdirmäge kömek etmek. *Ejesi gyzyna eşiklerini geýdirişdi.*

**GEÝDIRMEK**, *işl.* **1**. Eşigini egnine sokmak, geýindirmek. *Tiken tahýasyny başyna geýdirdi, sypaşdyrdy* (B. Kerbabaýew). **2**. Eşik bilen üpjün etmek, eşik äbermek, eşikli etmek. **3**. Bir zady ikinji zatdan asmak, ildirmek, ildirip goýmak. *Garantga dikip, oňa öz donuny, telpegini geýdirýär.* **4**. *gepl.d.* Birini duýdansyz urmak, ýelmemek, çalmak. *Ol gele-gelmäne oglanlaryň biriniň gulagynyň düýbüne geýdirdi.*

**GEÝEGEN** [geýeğen], *syp*. Haýsydyr bir eşigi, köwşi, telpegi we ş.m. geýmege endik eden. *Ol, köplenç, silkme telpek geýegendi.*

**GEÝERLIK**, *syp.* Geýmek üçin gerekli, geýer ýaly. *Geýerlik eşik edinmek.*

**GEÝILMEK**, *işl.* Geýilip ulanylan bolmak. *Bu ädik ozal köp geýlipdir.*

**GEÝIM**, *at.* Geýilýän içki, daşky eşik.

◊ **Geýimini biçmek** işini gaýtarmak, ýok etmek, ýitirim etmek kararyna gelmek. **Aýak geýimi** aýal-gyzlaryň tammany.

**GEÝIMÇI,***at.* Geýim tikýän ussa. *Geýimçi ussalar tiken geýimlerini ütükleýärler.*

**GEÝIM-GEJIM** [geýim-ğejim], *at.* Geýimiň ähli görnüşi, egin-eşik. *Ol bazardan geýim-gejim aldy*.

**GEÝIMLIK**, *syp.* **1**. Geýim tikmek üçin niýetlenen, gerekli bolan. *Geýimlik mata*. **2**. *gepl.d.* Köpünlik mata.

**GEÝINDIRMEK** [geýinnirmek], *işl.* **1**. Eşigini geýdirmek. *Çaganyň ejesi ony derrew geýindirdi.* **2**.Egin-eşikli etmek, eşik bilen üpjün etmek, eşikli etmek, eşiklemek. *Bir topar çül çagany geýindirmek gerekdi.*

**GEÝINJEŇ**, *syp., ser.* **Geýnegen**. *Ol adatdan daşary päkize, sypaýy geýinjeňdi.*

**GEÝINMEK**, *işl.* **1**. Öz eşikleriňi geýmek. *Elleri küýzeli, ýaşyl-gyrmyzy geýnen gelin-gyzlar derýanyň kenaryna üýşýärdi* (G. Kulyýew).

**GEÝINMEZLIK**, *iş ady.* Öz geýim-gejimlerini geýmezlik.

**GEÝIŞ**, *iş ady.* Geýmek ýagdaýy.

**GEÝIŞDIRMEK**, *işl.* Geýmeli geýimleriňi geýip çykmak.

**GEÝME**, *iş ady.* Geýmek ýagdaýy.

**GEÝMEK**, *işl.* Egin-eşik, geýim bilen teniňi ýapmak, örtmek; aýagyňa aýakgap sokmak; kelläňe tahýa, telpek, papak atmak. *Köýnek geýmek. Köwüş geýmak. Telpek geýmek.*

**GEÝMEKLIK**, *iş ady.* Geýmek ýagdaýy.

**GEÝMEZLIK**, *iş ady.* Egin-eşik, geýim bilen teniňi ýapmazlyk, örtmezlik; aýagyňa aýakgap sokmazlyk; kelläňe tahýa, telpek, papak atmazlyk.

**GEÝNEGEN** [geýneğen], *syp.* Gowy geýimleri geýmegi halaýan (adam hakynda).

**GEÝNÜWLI** [geýnüwlü], *syp.* Gowy geýnen, bezemen, oňat lybaslar geýen. *Aýallar diýseň geýnüwlidiler, ellerinde, gulaklarynda jöwherdir dürden ýasalan bezegler ýaldyraýardy* (G. Kulyýew).

**GEÝNÜWLILIK** [geýnüwlülük], *at.* Geýnüwli ýagdaýda bolmaklyk, bezemenlik.

**GEÝREKI**, *at.* Pilçe süňküniň ujundaky ýumşak kekirdewük. *Ogluň geýregi inipdir*.

**GEÝREK II**, *at, gepl.d.* Bir zadyň sekizden bir bölegine deň bolan agyrlyk ölçegi.

**GEZ I**, *at.* Tirsekden barmaklaryň ujuna çenli aralyk hem-de şol aralygyň uzynlygyna deň bolan ölçeg birligi.

◊ **Gezinden galdyrmak** götergiläp öjükdirmek. *Onuň gezinden galdyryp oturma, şonsuzam ol peslär ýaly däl*.

**GEZ II**, *at.* Suw degirmende uny iri ýa-da ownuk üwemek üçin ýokarky daşy aşak ýa-da ýokaryk galdyrmak hyzmatyny ýerine ýetirýän enjam.

◊ **Gezini galdyrmak** degirmeniň ýokarky daşyny galdyryp, dänäni iri üwär ýaly etmek. **Gezini peseltmek** degirmeniň ýokarky daşyny peseldip, dänäni ownuk üwär ýaly etmek.

**GEZ III**, *hal, kön.s.* Gezek. *Şu gez ibermeseň, köňlüm hoş olmaz* (Magtymguly).

**GEZDIRILMEK** [gezzirilmek], *işl.* Eýläk-beýläk ýöredilmek, gezim etdirilmek. *Çapylýan atlaryň irden gezdirilmegi hökmandyr.*

**GEZDIRMEK** [gezzirmek], *işl.* **1**. Gezelenç etdirmek. *Çagalary açyk howada gezdirmek.* **2**. Seýisläp çapuwa taýýarlamak üçin, köplenç, irden gezmeletmek, gezim etdirmek. *Ol Gyrsakary wagtly-wagtynda gezdirýärdi* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Bir zadyň ýüzi, üsti bilen aşak-ýokaryk hereket etdirmek, hereketlendirmek. *Sazanda barmaklaryny perdelerde ussatlyk bilen gezdirýärdi*. **4**. Bulaýlamak, aýlamak, galgatmak. *Çapyksuwar gamçysyny howada gezdirip, atyny ýüzin salyp gelýär.* **5**. Bir ýerde ýaşatmak, birneme boldurmak. *Gelni atasy öýünde kän gezdirdiler.*

**GEZDIRTMEK** [gezzirtmek], *işl.* Gezdirmek işini başga birine etdirmek. *Çagalary açyk howada gezdirtmek. Seýis atlary gezdirtdi.*

**GEZEGEN** [gezeğen], *syp.* **1**. Köp gezýän, köp gezmegi halaýan, biderek ygyp ýören, ykmanda. *Gezegen aýak gep getir* (Nakyl). **2**. *gepl.d.* Ahlak taýdan bozulan.

◊ **Gezegen dil** köp gepleýän, gepçi, gybatçy.

**GEZEGENLIK** [gezeğenlik], *at.* **1**. Ygyp ýörmeklik, ondan-oňa aýlanyp ýörmeklik, ykmandalyk. *Ejesi oglunyň gezegenliginden ýadady*. **2**. *gepl.d.* Ahlak taýdan bozulanlyk.

**GEZE-GEZE** [geze-ğeze], *hal.* Aýlana-aýlana, gezip-gezip, köp ýöräp. *Şäheri geze-geze lütüm çykdy.*

**GEZEGINE** [gezeğine], *hal.* Gezek-gezegine, gezekli-gezek, gezekleşip, yzly-yzyna, nobatyna. *Doganym bilen ikimiz jigimi gezegine götermeli bolýardyk.*

**GEZEK**, *at.* **1**. Öňünden tertip san gelende hereketiň şonça gaýtalanyşyny görkezýän söz, gaýta, sapar, ýola, keren. **2**. Nobat. *Men hem öz gezegimde sizi gutlaýaryn.*

◊ **Gezek gelmek**"seniňem işiň düşer" diýen manyda ulanylýan aňlatma. *Öl tezek, gury tezek, Saňa-da geler gezek* (Sanawaç).

**GEZEK-GEZEGINE** [gezek-ğezeğne], *hal, ser.* **Gezekli-gezegine**.

**GEZEKLEŞDIRMEK**, *işl.* Bir işi ýa-da ony ýerine ýetirýän adamy, guraly gezek-gezegine, nobatma-nobat çalşyryp durmak. Ş*ol bir atyzlara gezekleşdirip ekmegiň peýdasy köp.*

**GEZEKLEŞIŞ**, *iş ady.* Gezekleşmek ýagdaýy.

**GEZEKLEŞME**, *iş ady.* Gezekleşmek ýagdaýy.

**GEZEKLEŞMEK**, *işl.* Gezekli-gezegine, gezekme-gezek iş salyşmak, bir işi biri-biriň bilen nobat boýunça ýerine ýetirmek.

**GEZEKLEŞMEKLIK**, *iş ady.* Gezekleşmek ýagdaýy.

**GEZEKLI**: **gezekli çemçe** her bir işde, durmuşda birek-birege "gezek geler, işiň düşer" manysynda ulanylýan aňlatma.

**GEZEKLI-GEZEGINE** [gezekli-ğezeğne], *hal.* Birinden soň beýlekisi; nobatma-nobat. *Olar toparlara bölünip, gezekli-gezegine ol halyny dokadylar* ("Mugallymlar gazeti").

**GEZEKLIKÇE**: **bir gezeklikçe** "şu gezek, şu sapar, ilki gezek bolany üçin" diýen ýaly manyda ulanylýan söz düzümi. *Bir gezeklikçe bagyşlamagyňy soraýaryn.*

**GEZEKME-GEZEK** [gezekme-ğezek], *hal, ser.* **Gezekli-gezegine**. *Saryýagyz aýal ýigit bilen gelniň goluny biri-birine gowşurdy-da, olaryň arkasyna gezekme-gezek kakyp, ata-babadan gelýän tanyş sözleri joşup sarnady* (G. Kulyýew).

**GEZELENÇ**, *at.* **1**. Dynç almak üçin açyk howada ýa-da başga boş wagtlaryň edilýän gezim, aýlaň-çaýlaň. **2**. Bir ýana, myhmançylyga, görme-görşe gidiş; syýahat.

**GEZELGI** [gezelği], *syp.* Birine ýa-da bir tarapa çenelen, göneldilen, uzaldylan, gezelip goýlan. *Gezelgi sapançany görüp, olar ellerini göterdiler* (N. Jumaýew).

**GEZELMEK**, *işl.* Birine ýa-da bir zada çenelip durmak.

**GEZEME**, *iş ady.* Gezemek ýagdaýy.

**GEZEMEK**, *işl.* Bir zady birine ýa-da bir zada çenemek, dogrulamak, gönülemek. *Jeren yzyndan ýetip gelýän kowga garap, gaýtarjak bolýan dek yzyna öwrülip şahyny gezedi* ("Edebiýat we sungat").

**GEZEN**, *at.* Aýakgap ussalarynyň ulanýan keseje tygly pyçagy.

**GEZENDE** [gezenne], *syp.* Jahankeşdelik edip ýören, kän ýerleri aýlanyp, gezip ýören, ýurtdan-ýurda köp gezelenç edýän. *Gezende adam.*

**GEZENDELIK** [gezennelik], *at.* Gezendäniň ýagdaýy, ykmandalyk, ýurt sökegenlik.

**GEZENMEK**, *işl.* Birine ýa-da bir zada çenenmek, nyşana almak. *Ne parahat ýatyr sen el-aýagyň uzadyp, Ajal ýatyr keýniňde, okun-ýaýyn gezenip* (Magtymguly).

**GEZER I**, *at.* At ýörişiniň ýorga ýakyn bir görnüşi. *Atyny gezerine sürüp barýanyň keşbinde häzir aýratyn bir agraslyk duýulýardy* (B. Kerbabaýew).

**GEZER II**, *at, halyç.* Esasy nagşyň aralygyny dogry bölýän çyzyk, zolak.

**GEZERE**, *at.* Her ýyl kesilýän tut çyrpylanda onuň kesilmän goýberilen çybyklary. *Bagban tuduň gezerelerini ýatyrdy.*

**GEZERLI**, *at.* Münüş üçin ýakymly, uzak ýola gitmäge ýörişli, gezermen (at hakynda). *Ol gezerli alaşanyň başyny öz ugruna goýberip, hemmäň öňünden barýardy* (B. Seýtäkow).

**GEZERMEN**, *syp., ser.* **Gezerli**. *Onuň garagörnüm yzynda hem bir gezermen gara atly peýda boldy.*

**GEZEŞMEK**, *işl.* Birden artyk bolup bilelikde gezemek. *Çopanlar hem taýagyny gezeşip çykdy öňünden* ("Görogly").

**GEZEÝIŞ**, *iş ady.* Gezemek ýagdaýy.

**GEZIBERMEK** [gezivermek], *işl.* Gezip ýörmek, yzygiderli gezmek.

**GEZILMEK**, *işl.* Gezim edilmek, aýlaň-çaýlaň edilmek. *Yssy tomusda günüň aşagynda köp gezilse, gün urmagy-da mümkindir.*

**GEZIM**, *at.* **1**. Iki-baka ýöräp edilýän hereket, gezelenç, aýlaň-çaýlaň. *Ol, köplenç, şu bagda gezim ederdi*. **2**. Haýwanyň belli bir aralykda gezýän meýdany. *Gapany hemişe yk tarapyňyzda hem itiňiziň geziminden daşrakda gurmagy ýadyňyzdan çykarmaň* (A. Gowşudow).

**GEZIŞ**, *iş ady.* Gezmek ýagdaýy.

**GEZIŞMEK**, *işl.* Birnäçe bolup gezim etmek (*gezişmek* işliginden soň *ýörmek* işligi getirilip ulanylýar). *Tor çekilen aýmançada gezişip ýören, ap-ak towuklary synlanyňda, olaryň ideginiň kemsiz ýetiril-ýänligine göz ýetirýärsiň* ("Türkmenistan").

**GEZLI**, *syp.* Iner bilen arwanadan emele gelen (düýe hakynda).

**GEZLIK**, *at.* Gyna salnyp göterilýän bir gez uzynlykdaky türkmen pyçagy.

**GEZME**, *iş ady.* Gezmek ýagdaýy.

**GEZMEK**, *işl.* **1**. Aýak üstünde bolmak, aýlanyp ýörmek, hereket etmek, gezelenç etmek. **2**. Gün geçirmek, ýaşamak. *Men siziň ogluňyz ýaly bolup gezerin* (H. Derýaýew). **3**. Biri bilen tirkeşmek, biri bilen ýoldaş, dost bolup ýörmek. *Çagalykdan bile gezen dostum.* **4**. *göç.m.* Ykmak, ygyp ýörmek. *Onuň nirelerde gezip ýöreni belli däl.*

**GEZMEKLIK**, *iş ady.* Gezmek ýagdaýy.

**GEZMELEMEK**, *işl.* Aýlaň-çaýlaň etmek, gezelenç etmek, iki-baka gezim etmek, eýläk-beýläk ýöremek. *Şirin gaharly gezmeledi* (B. Pürliýew).

**GEZMELEMEZLIK**, *iş ady.* Gezmelemek hereketini ýerine ýetirmezlik, gezmeläp ýörmezlik.

**GEZMELEŞMEK**, *işl.* Birnäçe bolup aýlaň-çaýlaň etmek, eýläk-beýläk ýöremek, ikibaka gezim etmek. *Öýleriniň arasynda adamlar gezmeleşýärler.*

**GEZMELETDIRMEK**, *işl.* Gezime çykartdyrmak, iki ýana ýöretdirmek. *Çapuwdan gelen aty gezmeletdirmek.*

**GEZMELETMEK**, *işl.* Gezelenje äkitmek, gezime çykarmak, ikibaka ýöretmek. *Aty gezmeletmek.*

**GEZMELÄBERMEK** [gezmelä:vermek], *işl.* Eýläk-beýläk gezmeläp başlamak, gezmelemegini dowam etdirmek. *Siz göze-başa düşmäň-de, şu töwereklerde gezmeläberiň* (B. Seýtäkow).

**GEZMEZLIK**, *iş ady.* Gezim etmezlik, gezmäge çykmazlyk, gezelenç etmezlik.

**GÄBAZAN** [gä:va:zan], *syp., gepl.d.* Huşy giden, akyly üýtgän, aňkasy aşan, akyly çaşan (adam hakynda) (*ser*. **Gäp**). *Sen-ä bir gäbazan ekeniň, şonam ýadyňdan çykardyňmy?*

**GÄBAZANLYK** [gä:va:zanlyk], *at.* Gäbazan halda bolmaklyk.

**GÄBE** [gä:ve], *syp.* Güberilip duran, çişik, pökgi. *Gäbe garyn.*

**GÄBERILMEK** [gä:verilmek], *işl.* Pökgerip durmak, pökgerilmek, çişip durmak (garyn hakynda).

**GÄBERIŞ** [gä:veriş], *iş ady.* Gäbermek ýagdaýy.

**GÄBERME** [gä:verme], *iş ady.* Gäbermek ýagdaýy.

**GÄBERMEK** [gä:vermek], *işl.* **1**. Güberip durmak, pökgermek. **2**. *göç.m.* Ile göwnüň ýetmän, hondanbärsi bolmak, gomalmak, gopbamsyramak.

**GÄBERMEKLIK** [gä:vermeklik], *iş ady.* Gäbermek ýagdaýy.

**GÄBERMEZLIK** [gä:vermezlik], *iş ady.* Gäberip durmazlyk.

**GÄBERTMEK** [gä:vertmek], *işl.* Çişirmek, pökgertmek (garyn hakynda). *Ol agşamyň gahar-gazabyndan soň, ortaky öýde ýeke özi garnyny gäberdip horruldap ýatyrdy* (G. Kulyýew).

**GÄDIK** [gä:dik], *at.* **1**. Haýat we ş.m. ýerlerden adam geçer ýaly gädilen ýer, geçelge, geçit. *Asly han gädikden ýolun salypdyr, Saralyban gül dek reňňi solupdyr* ("Asly – Kerem"). **2**. *syp.* Bir zadyň erňegi, gyrasy döwük, ýemrik, erňeginiň bir ýeri uçan, ýüzi gaýtarylan, oýulan. *Ojakda ot ýanyp, onuň gyrasynda agzy gädik taňka lasyrdap otyrdy* (B. Kerbabaýew). *Agzy gädik tüňçe*.

**GÄDILMEK** [gä:dilmek], *işl.* **1**. Haýatyň we ş.m. bir ýeri ýykylmak. **2**. Gyrasy, erňegi döwülmek, uçmak. *Çäýnegiň jürnügi gädilipdir*.

**GÄDIŞ** [gä:diş], *iş ady.* Gätmek ýagdaýy.

**GÄDIŞDIRMEK** [gä:dişdirmek], *işl.* **1**. Gädik-gädik edip çykmak, her ýerinden ýykyşdyrmak. *Haýatyň diwaryny gädişdirmek*. **2**. Bir zadyň erňegini, gyrasyny, ýüzüni, agzyny gädik-gädik edip çykmak, gemrik-gemrik etmek. *Käseleriň erňegini gädişdiripdir. Süňke urup, pyçagyň ýüzüni gädişdiripdirler.*

**GÄGIRINMEK** [gä:ğirinmek], *işl.* Özüň gägirmek, gägirip ses çykarmak.

**GÄGIRIŞ** [gä:ğiriş], *iş ady.* Gägirmek ýagdaýy.

**GÄGIRIŞMEK** [gä:ğirişmek], *işl.* Bilelikde gägirmek, ýerli-ýerden gägirmek. *Gägirişip, garynlaryny sypalaşyp ýatandan, goý, işlesinler* (B. Seýtäkow).

**GÄGIRME** [gä:ğirme], *iş ady.* Gägirmek ýagdaýy.

**GÄGIRMEK** [gä:ğirmek], *işl.* Aşgazanda ýygnanan ýeli agzyňdan sesli çykarmak.

**GÄGIRMEKLIK** [gä:ğirmeklik], *iş ady.* Gägirmek ýagdaýy.

**GÄGIRMEZLIK** [gä:ğirmezlik], *iş ady.* Aşgazanda ýygnanan ýeli agzyňdan sesli çykarmazlyk.

**GÄGIRTMEK** [gä:ğirtmek], *işl.* Gägirilmegine sebäp bolmak. *Turşy çal gaňşyrawugyňy kükedip, gaty gägirdýär.*

**GÄH** [gä:h], *hal, k.d.* Käte, kämahal. *Ýaman til gäh sargartdyrar ýüzüňi* (Sopy Allaýar).

**GÄHI** [gä:hi], *hal, ser.* **Gäh**.

**GÄHI-GÄHI** [gä:hi-ğä:hi], *hal.* Käwagt, kämahal, wagtal-wagtal, käte-käte. *Selbinyýaz gähi-gähi aşyklyk mähri ýadyga düşüp, Hemrany ýatlap gezer erdi* ("Saýatly – Hemra"). *Gähi-gähi bärsin bakdy-da gitdi* (Kemine).

**GÄKILIK** [gä:kilik], *at.* Gägirilende çykýan ýel.

◊ **Gäkiligiň azmak** garym-gatym, ýakar-ýakmaz iýen zadyňy aşgazan oňat siňdirmän, agzyňdan porsy, ýakymsyz ys gelmek, iýeniň aşgazanyňda turşamak.

**GÄLE** [gä:le], *at, kön.s.* Süri, topar.

**GÄLE-GÄLE** [gä:le-ğä:le], *at, kön.s.* Köpsanly süri, birnäçe süri, süri-süri. *Gezersiňiz gäle-gäle, Goşulmaz siz halka-ile* (Andalyp).

**GÄLEBAN** [gä:leva:n], *at, kön.s.* Süri çopany. *Gäleban arbapga dönüp, bolmuş arbaplar emir* (Magtymguly).

**GÄMI** [gä:mi], *at.* **1**.Ýolagçy, ýük we ş.m. zatlary daşamak üçin ulanylýan suw ulagy. **2**. Ahal welaýatynda bir oba.

**GÄMIÇI** [gä:miçi], *at.* Gämi sürýän, gämini ýöredýän adam. *Gämiçi gämiçini alysdan görer* (Nakyl).

**GÄMIDEŞER** [gä:mideşer], *at.* Balygyň burny uçly görnüşi.

**GÄMIK** [gä:mik], *at.* Gawun, garpyz, hyýar, kädi ýaly ekinler ekilende çigitden çykyp ugran iki ýaprakly ösüş baldagy. *Gämikler ýaňy iki gulak bolup galypdy.*

**GÄMIKLEME** [gä:mikleme], *iş ady.* Gämiklemek ýagdaýy.

**GÄMIKLEMEK** [gä:miklemek], *işl.* **1**. Gämik bolup çykmak, gögerip çykmak. *Eýýäm gowaça gämikläpdir*. **2**. Bir ýa-da birnäçe tohum taşlap, aýry-aýry edip ekmek, gämik etmek. *Sapanyň oýlanman oturdan we gämikläp eken ekini örän gürdi* (N. Esenmyradow).

**GÄMIKLEMEKLIK** [gä:miklemeklik], *iş ady.* Gämiklemek ýagdaýy, derejesi.

**GÄMIKLEÝIŞ** [gä:mikleýiş], *iş ady.* Gämiklemek ýagdaýy.

**GÄN** [gä:n], *at.* Malyň etiniň, ýagynyň içinde bolýan owunjak mäz.

**GÄNE** [gä:ne], *at.* Sakyrtga.

**GÄP** [gä:p], *at.* Içine saman, selin we ş.m. zat dykylan haýwan hamy.

◊ **Gäbi azmak** gäbi azan halda bolmak, näme etjegini bilmezlik, aňkasy asmak. *Gäbim azypdyr, edenimi-goýanymy bilemok.*

**GÄR** [gä:r], *syp.* Maňlaýy, ýaňagy gyzgylt-goňur ýa-da aksowult öwüsýän. *Meniň bakýan sürimde bir gär teke bar welin, bir gezek tas şahyny garnymdan geçiripdi* ("Edebiýat we sungat").

**GÄTDIRMEK** [gä:tdirmek], *işl.* Bir ýerinden gädik açdyrmak, oýdurmak, ýüzüne gädik etdirmek. *Haýaty gätdirmek. Pyçagyň ýüzüni gätdirmek.*

**GÄTME** [gä:tme], *iş ady.* Gätmek ýagdaýy.

**GÄTMEK** [gä:tmek], *işl.* **1**. Bir ýerinden gädik açmak, gyrasyny ýykyp oýmak. *Böwedi gätmek*. **2**. Pyçagyň, paltanyň ýüzüni diş-diş edip zaýalamak, gädik etmek. *Süňk pyçagyň ýüzüni gädipdir*. **3**. Bir zadyň gyrasyndan döwüp almak, gyrasyndan bölüp aýyrmak. *Ol gyzgyn çöregiň gyrasyndan bir döwüm gädip aldy.* **4**. *göç.m.* Başyny bozmak, ujundan harçlamak, bütewiliginden egismek, bir ýanyndan azaldyp ugramak. *Ol ýygnan pulundan gädip ugrady. Iň kiçileri ýaňy ýigrimi dördüň ujundan gädip ugrapdy*.

**GÄTMEKLIK** [gä:tmeklik], *iş ady.* Gätmek ýagdaýy.

**GÄW** [gä:w], *at.* Sygyr. *Argaly gäw bolar maly Gürgeniň* (Magtymguly).

**GÄWBAN** [gä:wva:n], *at.* Sygyr çopany. *Gäwban ogly doňuz bile it oýnar* (Magtymguly).

**GÄWMIŞ** [gä:wmüş], *at.* Uly kelleli, ýogyn arkan gaýşyp duran şahly, sygra çalymdaş haýwan.

**GÄWÜŞ** [gä:wüş], *at.* Dişleriň bilen iýmit çeýnelende edilýän hereket. *Ol gara çöregi ulurak dişläp, gäwüş arasy bilen gürrüň etdi* (B. Kerbabaýew).

◊ **Gäwüş gaýtarmak** howul-hara çeýnelip ýuwdulan iýmiti agzyna gaýtaryp, gaýtadan çeýnemek (mal hakynda).

**GÄWÜŞEME** [gä:wüşömö], *iş ady.* Gäwüşemek ýagdaýy.

**GÄWÜŞEMEK** [gä:wüşömök], *işl.* **1**. Gäwüş gaýtaryp çeýnemek (düýe, goýun ýaly mal hakynda). *Baggoýunlar gäwüşäp ýatyrdy.* **2**. *gepl.d.* Iýmek. *Saran haýallyk bilen gäwüşäp, wagty bilen doýmady* (B. Seýtäkow).

**GÄWÜŞEMEKLIK** [gä:wüşömöklük], *iş ady.* Gäwüşemek ýagdaýy.

**GÄWÜŞEMEZLIK** [gä:wüşömözlük], *işl.* Gäwüşemek hereketini etmezlik.

**GÄWÜŞEŞMEK** [gä:wüşöşmök], *işl.* Birnäçe bolup gäwüşemek. *Agyldaky goýunlar gäwüşeşip ýatyrdy.*

**GÄWÜŞEÝIŞ** [gä:wüşöýüş], *iş ady.* Gäwüşemek ýagdaýy.

**GÄZ** [gä:z], *at.* Örän gaty kirlän, garagäz.

◊ **Gara gäz** gaty kirli. *Onuň ak köýneginiň ýakasy gara gäzdi.*

**GÄZLEME** [gä:zleme], *iş ady.* Gäzlemek ýagdaýy.

**GÄZLEMEK** [gä:zlemek], *işl.* Gaty kirlemek, kir bilen örtülmek.

**GÄZLEMEKLIK** [gä:zlemeklik], *iş ady.* Gäzlemek ýagdaýy.

**GÄZLEMEZLIK** [gä:zlemezlik], *iş ady.* Gaty kirlemezlik.

**GÄZLEŞMEK** [gä:zleşmek], *işl.* Kem-kemden gäzläp ugramak, kirläp ugramak. *Köýnegiň ýakasy gäzleşip ugrapdyr.*

**GÄZLETDIRMEK** [gä:zletdirmek], *işl.* Çendenaşa kirletdirmek.

**GÄZLETMEK** [gä:zletmek], *işl.* Çendenaşa kirletmek. *Ýakaňy gäzletmek.*

**GÄZLEÝIŞ** [gä:zleýiş], *iş ady.* Gäzlemek ýagdaýy.

**GÄZLI** [gä:zli], *syp.* Kirli, gäzlän. *Nebitçiniň iş wagtynda daşky görnüşi hapa, geýim-gejimi gäzli bolsa-da, ynsaby aýna ýaly durudyr* (B. Kerbabaýew).

**GIÇ** [gi:ç], *hal.* Bir zadyň ýerine ýetirilmeli wagtyndan soň, wagtyň köpüsi geçensoň. *Kerri goýun giç ürker* (Nakyl).

◊ **Giç ýagşy!** agşamara, giçlik biriniň öýüne barlanda: "Agşamyňyz haýyrly bolsun!" diýen manyda aýdylýan ýüzlenme sözi.

**GIÇ-GIRIM** [gi:ç-ği:rim / gi:ç-ğirim], *at.* Gün ýaşandan soň, bimahal wagt. *Giçde-girimde köçede gezip ýörme!*

**GIÇKI** [gi:çki], *syp.* Giç ýetişýän, wagtyndan giç bolýan. *Giçki hyýar. Giçki kelem.*

**GIÇLEME** [gi:şleme], *iş ady.* Giçlemek ýagdaýy.

**GIÇLEMEK** [gi:şlemek], *işl.* **1**. Gije-girim bir ýere gitmek, gijagşam barmak, biwagt gelmek. *– Ýaman giçläpsiň-le, nireden geldiň? – diýip, jaýyň bir böwründe ýazylan keçäniň üstünde oturdy* (H. Derýaýew). **2**. *gepl.d.* Gijä galmak, gijikmek. *Abadan öýlerine giçläp bardy* (H. Derýaýew).

**GIÇLEMEKLIK** [gi:şlemeklik], *iş ady.* Giçlemek ýagdaýy.

**GIÇLIK** [gi:şlik], *at.*Ikindi bilen agşamyň aralygyndaky wagt, agşamara. *Olar giçlige çenli işlediler* (B. Seýtäkow).

**GIDEN**, *syp*. **1**. Mukdar, san taýyndan örän köp. *Giden zady zaýalap bolmaz. Toýda giden märekäni gaýtarmak aňsat iş däl.* **2**. Uly ginişligi tutýan. *Giden meýdana gawun-garpyz ekipdirler.*

**GIDERILMEK**, *işl.* Elden berilmek, goldan çykarylmak, sypdyrylmak.

**GIDERIŞ**, *iş ady.* Gidermek ýagdaýy.

**GIDERLI**, *syp*. Gitmäge meýilli. *Ol heniz-ä giderli däl.*

**GIDERLIK**, *at*. Gitmäge mümkinçilik, gitmäge ýarawlyk. *Meniň bu howada oba giderligim ýok.*

**GIDERME**, *iş ady.* Gidermek ýagdaýy.

**GIDERMEK**, *işl.* **1**. Elden bermek, goldan çykarmak, sypdyrmak. **2**. Özünde bar zady aldyrmak, ogurlatmak. **3**. Ýitirmek. *Näme bolanyny-da bilenok, olaryň nirä gidenini-de bilenok, bakyp ýören düýeleriniň ikisini gideripdir.*

**GIDERMEKLIK**, *iş ady.* Gidermek ýagdaýy.

**GIDERMEZLIK**, *iş ady.* Elden, goldan çykarmazlyk, aldyrmazlyk.

**GIDERMEN**, *syp.* Gitmäge meýilli, hyýally, bir ýere gitjek bolup duran. *Gidermen bolup duranlara-da garaşmadym.*

◊ **Hajy gidermen** haçan görseň, bir ýere ugrajak bolup duran adama aýdylýar.

**GIDERMENLIK**, *at.* Gitmäge meýillilik, gitmäge döwtalaplyk. *Şol kakaňam gidermenligi, döwtalaplygy seňkiden pes däl-le*(Ý. Mämmediýew).

**GIDIBERMEK** [gidivermek], *işl.* Gidip başlamak, gitmegini dowam etdirmek. *Ol öz ugruna mübtela bolup gidiberdi* ("Görogly").

**GIDILMEK**, *işl.* Bir ýere ugralmak, ýönenilmek, barylmak. *Öňürti gelnalyja gidildi, soňra göreş tutduryldy* (G. Kulyýew).

**GIDIŞ**, *iş ady.* Gitmek ýagdaýy. *Onuň düýnki oba gidişi.*

**GIDIŞIN** [gidişi:n], *hal.* Bir ýere gidip barýan wagtyňda, gidip barýarkaň ýüz ugra, *gelşin* sözüne garşylykly manyly söz. *Gidişin ýol ugrundaky dükandan, bar bolsa, diýen zadyňy özüm alaýaryn. Sen gidişin ýabyň ugruny syryp git!*

**GIDIŞLEÝIN**, *hal,ser.* **Gidişin**.

**GIDIŞLIK**, *at.* Bir ýere köpçülikleýin ugramaklyk, köp bolup gitmeklik. *Şu gidişlik bolanda, Galaýmawergin senem!* (A. Alamyşow).

**GIDIŞMEK**, *işl.* **1**. Iki-ýekeden gidip başlamak, ýuwaş-ýuwaşdan ugramak, dargaşmak. *Toýa gelen adamlar gidişip başladylar*. **2**. Kimdir biri bir ýere gidende, oňa ýoldaş bolmak, onuň bilen bile gitmek. *Ejem bazardan köp zat almaly bolansoň, oňa bazara gidişmeli boldum.* **3**. Bir işde, meselede, gürrüňde, aýdym-sazda garşydaşyňdan galmajak bolup çalyşmak, ýaryşmak. *Orazberdi gyjakçy tüýdükçiler bilen hem gidişerdi* ("Edebiýat we sungat"). **4**. Bir iş bilen meşgullanmak, bir iş bilen üznüksiz, irginsiz meşgul

bolmak. *Indi on alty ýylyň içidir, ol agaç ussaçylygy bilen gidişýär* ("Edebiýat we sungat").

**GIJAGŞAM** [giýjağşam], *at.* Garaňky gatlyşandan garaňky düşýänçä çenli wagt aralygy. *Ol öýüne gijagşam dolanyp geldi*.

**GIJARA** [giýja:ra], *hal.* Garaňky gatlyşmanka, ilkagşam, ikindi bilen ýassynyň aralygyndaky wagt. *Ýagyş ertesi bilen ýagyp, gijara diňdi* (B. Gurbanow).

**GIJE** [gi:je], *at.* Agşamdan başlap, daň atýança dowam edýän wagt aralygy. *Gijäniň haýryndan, gündiziň şeri ýagşy* (Nakyl).

◊ **Gijä galmak 1)** bir ýerde gijäniň bir wagty bolýança eglenmek, saklanmak, gara gijä galmak, üstüňi gijä basdyrmak. **2)** barmaly ýeriňe barmaly wagtyňdan giç barmak. *Okuwa gijä galyp barmak. Işden gijä galmak.* Gijäň bir wagty gaty giç mahal. *Ol öýüne gijäň wagty geldi*. **Gijäňi gündiz edip (işlemek, zähmet çekmek)** irmän-arman, ýadaman-ýaltanman **(işlemek, zähmet çekmek)**. *Daýhanlar pagta ýygymynda gijesini gündiz edip isleýärler*.

**GIJE-GIRIM** [gi:je-ğirim], *at, ser.* **Gije**. *Gije-girim bu ikisiniň ogrynça duşuşýanlaryny eşitdik* (B. Gulow). *Gije-girimde ygyp ýörmäň*.

**GIJEGÜNDIZ** [gi:jeğünnüýz], *at.* Erşi gök ýa-da ýaşyl, argajy gyzyl ýüpekden dokalan mata.

**GIJE-GÜNDIZ** [gi:je-günnüýz], *at.* 24 sagada barabar bolan wagt aralygy, gije bilen gündiziň dowamyndaky wagt.

**GIJE-GÜNDIZKI** [gi:je-ğünnüýzkü], *syp.* Gije--gündiziň dowamyndaky, gije-gündizde bolup geçýän.

**GIJE-GÜNDIZLIK** [gi:je-günnüýzlük], *hal.* 24 sagada barabar bolan wagtyň aralygynda, gije bilen gündiziň dowamynda. *Ol işlänje bir gije-gündizlik zähmet hakyny aldy.*

**GIJEKI** [gi:jeki], *syp.* Gije bolup geçen, gije bolan (ýagdaý, waka we ş.m.) *Gijeki ýagyşda mazalyja ezildik.*

**GIJELIK** [gi:jelik], *at.* Gije wagty, gijäniň içinde, garaňkylyk. *Ses-sedasyz gijelikde kimden habar tutjagymy bilmedim* ("Edebiýat we sungat").

**GIJEME** [gi:jeme], *iş ady.* Gijemek ýagdaýy.

**GIJEMEK** [gi:jemek], *işl.* Endamyňda, bedeniňde giji peýda bolmak. *Her kim öz gijän ýerini gaşar* (Nakyl*). Birden bokurdagym gijäp, Üsgürdim men yz-yzyna* (K. Gurbannepesow).

**GIJEMEKLIK** [gi:jemeklik], *iş ady.* Gijemek ýagdaýy.

**GIJEMEZLIK** [gi:jemezlik], *iş ady.* Gijäp durmazlyk.

**GIJEN**: **gijen göz** içiňden geçip barýan jadyly ýiti göz (halkyň arasynda ýaýran gürrüňe görä, bu aňlatma Gijen diýen jadyly, tersokan adamyň ady bilen baglanyşykly döräpdir diýen garaýyş bar).

**GIJESINE** [gi:jesine], *at.* Diňe gije wagtlary, gijede. *Olar gijesine-de işleýärler.*

**GIJEÝIŞ** [gi:jeýiş], *iş ady.* Gijemek ýagdaýy.

**GIJÄ** [gijä:]: **gijä galmak** *ser*. **Gije: gijä galmak 2**.

**GIJI** [gi:ji], *at.* Endamyňda, bedeniňde döreýän gijilewük. *Ol ýaplanyp oturan kepbesine oýkanyp, ýagyrnysynyň gijisini köşetdi* (H. Derýaýew).

**GIJIGIŞ** [gi:jiğiş], *iş ady.* Gijikmek ýagdaýy.

**GIJIKDIRILMEK** [gi:jikdirilmek], *işl.* Wagtyndan gijä galdyrylmak, yza süýşürilmek, gijä goýulmak. *Ekiş biraz gijikdirildi.*

**GIJIKDIRMEK** [gi:jikdirmek], *işl.* Wagtyndan gijä galdyrmak, gijä goýmak. *Men seni gaty gijikdirdim öýdýän.*

**GIJIKME** [gi:jikme], *iş ady.* Gijikmek ýagdaýy.

**GIJIKMEK** [gi:jikmek], *işl.* **1**. Agşam ýakynlaşmak, gün ýaşmaga az galmak. *Gün gijigen hem bolsa, howa entäk yssydy* (G. Gurbansähedow). **2**. Wagtyndan gijä galmak, eglenmek.

**GIJIKMEKLIK** [gi:jikmeklik], *iş ady.* Gijikmek ýagdaýy.

**GIJILEWÜK** [gi:jilöwük], *at.* Endamyňda, bedeniňde güýçli giji emele getirýän ýokançly deri keseli.

**GIJÖÝLÄN** [gi:jöýlä:n], *hal.* Öýleden soňky wagt, ir ikindiniň öň ýanyndaky wagt. *Gijöýlän yzymyza dolandyk*.

**GIŽŽELEME**, *iş ady.* Gižželemek ýagdaýy.

**GIŽŽELEMEK**, *işl.* Birine meçew bermek, götergiläp öjükdirmek. *Çagalar bir-birlerini gižželeýärdiler*.

**GIŽŽELEMEKLIK**, *iş ady.* Gižželemek ýagdaýy.

**GIŽŽELEÝIŞ**, *iş ady.*Gižželemek ýagdaýy.

**GIL** [gi:l], *at.* Palçyk, laý.

**GILE** [gi:le], *at.* Göwnüň galma, öýke, kine. *Leýli ata-enesinden gile etdi* ("Leýli – Mejnun"). *Bu gün özüň görkez ile, Il senden etmesin gile* (N. Annagylyjow).

**GILEBENT** [gilevent], *at.* Käriz gazylanda kärizgeniň gowa salyp beren laýyny çekýän adam.

**GILMALA** [gilma:la], *at.* Tam suwalanda laýy endigan ýazmak üçin ýuka polatdan, agaçdan edilen ýokarsy tutawaçly süýnmek ýasy gural. *Käbiri bedrä guýýardy laý, Käsi gilmalaly suwaýar jaýy* (M. Seýidow).

**GIMN** [gi:mn], *at, ser.* **Sena**.

**GIMNASTIKA** [gimna:stika], *at*, *sport*. Bedeniň berkemegi hem-de ösmegi üçin maşklaryň jemi.

**GIŇ** [gi:ň], *syp.* **1**. Dar däl, göwrümi uly, ýaýraň. *Giň otag.* **2**. *göç.m.* Uly, ýaýbaň, köp taraply. **3**. *göç.m.* Gahary gelmeýän, sowuk ganly, darykmaýan, paýhasly, pähimli. *Onuň ýaly giň adam az-azdyr.*

**GIŇÇILIK** [gi:ňçilik], *at.* Giň ýer, giň meýdan. *Çagalar, topuňyzy şu giňçilikde oýnaberiň*.

**GIŇDEN** [gi:ňden], *syp*. Hemmetaraplaýyn, änigine-şänigine çenli, doly; giňişleýin. *Ol şahyr ýurdumyzda giňden tanalýar. Giňden beýan etmek.*

**GIŇELDILMEK** [gi:ňeldilmek], *işl.* Giňligi artdyrylmak, göwrümi ulaldylmak. *Seýilgähiň tutýan meýdany tas iki esse diýen ýaly giňeldilipdir.*

**GIŇELMEK** [gi:ňelmek], *işl.* Giňligi artmak, göwrümi ulalmak, giň bolmak. *Baş maksatnamada bellenilişine görä, paýtagt günorta Köpetdagyň etegine tarap giňelýär* ("Edebiýat we sungat").

**GIŇELTMEK** [gi:ňeltmek], *işl.* **1**. Göwrümini artdyrmak, giň etmek, ulaltmak. *Otagy giňeltmek.* **2**. Ýaýbaňlandyrmak, artdyrmak, ýaýratmak, köpeltmek.

**GIŇEME** [gi:ňeme], *iş ady.* Giňemek ýagdaýy, derejesi.

**GIŇEMEK** [gi:ňemek], *işl.* **1**. Giňligi artmak, göwrümi ulalmak, giňelmek. *Şäher barha ösýär, giňeýär.* **2**. *göç. m.* Giň göwrümli bolmak, sowuk ganly bolmak, darykmazlyk. *Göwni biraz giňedi.*

**GIŇEMEKLIK** [gi:ňemeklik], *iş ady.* Giňemek ýagdaýy.

**GIŇEMEZLIK** [gi:ňemezlik], *iş ady.* Giňemek işi amal edilmezlik, ýerine ýetirilmezlik.

**GIŇEÝIŞ** [gi:ňeýiş], *iş ady.* Giňemek ýagdaýy.

**GIŇIŞ** [gi:ňiş], *syp.* Dar däl, giň, boşlaň. *Mal-garaňy daňara giňiş meýdan gerek.*

**GIŇIŞGENLIK** [gi:ňişğenlik], *at, ser.* **Giňişlik**. *Siziň ýaşaýan ýeriňiz giňişgenlik eken.Bu ýeri giňişgenlik.*

**GIŇIŞLIK** [gi:ňişlik], *at.* **1**. Göwrümi ýaýbaňlyk, açyklyk, boşlaňlyk, giňlik, meýdany uly. **2**. Asudalyk, rahatlyk, dynçlyk. *Soltansöýün giňişlik bir wagt bolsa, belki, ony harmana taşlardy* ("Myraly").

**GIŇLIK** [gi:ňlik], *at.* **1**. *ser.***Giňişlik**. *Howlynyň içi giňlikdi*. **2**. Sowukganlylyk, arkaýynçylyk. *Giňlik etmek*.

◊ **Giňlige salmak** dargursak bolman, giň bolmak, bir zada gaharyňy getirmezlik. *Ýene men ýüregimi giňlige saldym* (T. Gurbanow).

**GIPS** [gi:pis], *at, min.*Ýakylan we owradylan görnüşde gurluşyk serişdesi bolup, ýelmäp ýasamak, seýiklik we ş.m. üçin ulanylýan ak ýa-da sarymtyl reňkli mineral.

**GIPSLEME** [gi:pisleme], *iş ady.* Gipslemek ýagdaýy, derejesi.

**GIPSLEMEK** [gi:pislemek], *işl.* Gips goýmak, gips bilen seýiklemek. *Döwlen aýagy gipslemek*.

**GIPSLEMEKLIK** [gi:pislemeklik], *iş ady.* Gipslemek ýagdaýy, täri.

**GIPSLENMEK** [gi:pislenmek], *işl.* Döwlen ýere gips goýlup daňylmak, gips bilen seýiklenmek.

**GIPSLETMEK** [gi:pisletmek], *işl.* Döwlen ýere gips goýup daňdyrmak, gips bilen seýikletmek. *Ol döwlen elini gipsletdi.*

**GIPSLEÝIŞ** [gi:pisleýiş], *iş ady.* Gipslemek ýagdaýy.

**GIPSLI** [gi:pisli], *syp.* Gips goýlan, gips bilen seýiklenen. *Ilki bilen gipsli daňy etdik* ("Edebiýat we sungat").

**GIRDAP** [girda:p], *at.* Derýada, deňizde, suwuň köwlenip, aýlanyp akýan ýeri. *Sandyk bir girdaba ýetdi* ("Zöhre – Tahyr").

◊ **Girdaba düşmek** biriniň aldawyna düşmek, aldanmak. *Nähili bolup onuň girdabyna düşenini özi-de duýman galdy* (T. Taganow). *Agyr durmuşyň girdabyna düşmek.*

**GIRDEJI** [gi:rdeji], *at.* Çekilen zähmet üçin her hili çeşmelerden girýän düşewünt, peýda.

**GIRDEJILI** [gi:rdejili], *syp.* Girdejini, peýdany köp berýän, düşewüntli, gazançly.

**GIRDEJILILIK** [gi:rdejililik], *at.* Girdejisi köplük, peýdalylyk, düşewüntlilik, gazançlylyk. *Kärhanalaryň girdejililigi artýar*.

**GIRDEJISIZ** [gi:rdejisiz], *syp.* Girdejisi ýok, düşewüntsiz, peýdasyz, gazançsyz. *Girdejisiz kärhana.*

**GIRDEJISIZLIK** [gi:rdejisizlik], *at.* Girdejisi ýokluk, düşewüntsizlik, peýdasyzlyk, gazançsyzlyk. *Kärhananyň girdejisizligi äşgär görnüp ugrady.*

**GIRDENEK**, *syp.* Boýy gysgajyk, keltejik (adam hakynda).

**GIRDIRMEK** [gi:rdirmek], *işl.,* **Girizmek**.

**GIRELGE** [gi:relğe], *at.* Bir zadyň içine girilýän ýer, gapy. *Jaýyň girelgesi.*

**GIREW** [giröw], *at.* **1**. Wagtlaýyn karz alnan zadyň deregine, öwezine goýulýan haryt, pul we ş.m. zat. *Ol ýüzügini girew goýup, karz pul aldy*. **2**. Şaýatlyk, zamunlyk, kepillik, güwälik ediji şertleriň biri.

**GIR-GIR** [gir-ğir]: **gir-gir etmek** bir zada birden gaharlanmak, derrew gaharyň gelmek.

**GIRI**: **girä düşmek** biriniň gazabyna, täsirine duçar bolmak, ele düşmek. **Girä salmak** öz gazabyňa, täsiriňe duçar etmek, ele salmak. **Girisinden sypmak** biriniň gazabyndan, täsirinden aman gutulmak.

**GIRIFTAR** [girifta:r], *syp., k. d.* Bendiwan, bagly. *Zalymlar golunda giriftar oldum* ("Saýatly – Hemra").

**GIRIM-ÇYKYM** [gi:rim-çykym], *at*. Öz aýagy bilen öýüne girip hem-de çykyp bilmek ýagdaýy, geregini özi oňarmaklyk, gymyldy. *Olam-a gaty garrandyr, girim-çykymy beri barmydyr? Tüweleme, girim-çykymyny özi oňarýar.*

**GIRIP-ÇYKMAK** [gi:rip-çykmak], *işl.* Biriniň öýüne baryp, derrew yzyňa gaýtmak. *Men goňşulara girip- çykaýyn, derrew gelerin, garaşyber*.

◊ **Bir gapydan girip-çykmak** bir öýde bile ýaşamak.

**GIRIŞ** [gi:riş], *iş ady.***1**. Girmek ýagdaýy. **2**. Uly, dabaraly ýygnagyň we ş.m. başlangyç bölegi bilen

baglanyşykly. *Giriş sözi bilen çykyş etmek.* **3**. Bir ýere girmek bilen bagly. *Giriş synaglary*. *Giriş biletleri*. **4**. Bir eseriň başlangyç, ugrukdyryjy bölümi. *Girişden soň hakyky oýun başlandy.*

◊ **Giriş sözi** (*dil b.*) sözleýän adamyň sözlenýän zada gatnaşygyny aňlatmak üçin sözleme goşulan söz (sözlem).

**GIRIŞGEN** [gi:rişğen], *syp.* Her kim bilen dessine sözi alşyp gidiberýän, alçak, ugurtapyjy (adam). *Ol örän girişgen oglandyr.*

**GIRIŞGENLIK** [gi:rişğenlik], *at.* Alçaklyk, ugurtapyjylyk. *Girişgenlik erbet häsiýet däldir .*

**GIRIŞMEK** [gi:rişmek], *işl.* **1**. Jaýa we ş.m. zatlaryň içine kem-kemden girmek. *Gelen myhmanlar içerik girişen bolsa, nahar äbermek bilen boluň.* **2**. Birnäçe adam bilelikde girmek. *Bezemen geýnen gyz-gelinler elleri gap-çanakly içeri girişip, daşary çykyşyp, gara başlaryna gaýdylar* (G. Kulyýew). **2**. Bir işe başlamak, bir işi ýola goýup ugramak. *Ol täze aýdym-sazlary döretmäge girişdi*.

**GIRIZILMEK** [gi:rizilmek], *işl.* Herekete getirilmek, işledip başladylmak.

**GIRIZMEK** [gi:rizmek], *işl.* **1**. Girmäge mümkinçilik bermek, girmäge ýol bermek, salmak. *Jaýyň içine girizseler, bizem girmän durmarys*. **2**. Okuwa, işe ş.m. ýerleşdirmek. *Okuwa girizmek*. **3**. *Girizmek* işliginiň öňünden kabir atlar gelip, täze manyly düzümli işlikler ýasalýar: **Işe girizmek** herekete getirmek, işledip başlamak. *Pagta ýygýan maşynlary işe girizmek gerek.* **Teklip girizmek** bir meseläni teklip edip, ýygnagyň gün tertibine üýtgetme girizmek, bir meseläni gün tertibine goşdurmak. *Oturanlardan biri ýygnagyň gün tertibine teklip girizdi.*

**GIRIZMEZLIK** [gi:rizmezlik], *iş ady.* Girmäge mümkinçilik bermezlik.

**GIRME** [gi:rme], *iş ady.* Girmek ýagdaýy.

**GIRMEK** [gi:rmek], *işl.* **1**. Jaýa we ş.m. içine, aýak basmak, geçmek, aralaşmak. *Magtymguly gapdaldaky ussahana girdi* (G. Kulyýew). **2**. Bir ýere kabul edilmek, bir ýere, işe, okuwa ýerleşmek. *Men işe girmeli boldum*. **3**. Bir zadyň hataryna, düzümine, sanyna goşulmak, agzasy bolmak. *Partiýa girmek. Iş toparyna girmek*. **4**. Ýuwulmak netijesinde gysgalmak, daralmak, kiçelmek. *Köýnek giripdir*. *Bu mata ýuwsaň girýän eken*. **5**. Kömekçi işlik hyzmatyny ýerine ýetirýän *girmek* işliginiň öňünden käbir isimler (atlar, sanlar) gelip, täze manyly düzümli işlik ýasalýar: **Ynama girmek** bir ýa-da birnäçe adamyň ynamyndan peýdalanmak. *Adamlaryň ynamyna girmek*. **Kyrkyňa girmek** kyrk ýaşdan alyp ugramak, kyrk ýaşyň içinde bolmak. *Ol kyrkyna giren adamdy.* **Ak girmek** agaryp ugran gyllar, saçlar görnüp ugramak. *Sakgalyňdan ak girse-de, göterip ýören kelläňe aň girmändir.*

**GIRMEKLIK** [gi:rmeklik], *iş ady.* Girmek derejesi.

**GIRMEZLIK** [gi:rmezlik], *iş ady.* Girmek hereketini amal etmezlik, girip durmazlyk.

**GIRRE**: **girre gahary gelmek** birden gaharlanmak, derrew gyzmak. *Onuň girre gahary geldi*.

**GIRRELIŞMEK**, *işl.* Biri bilen gaharlanyşmak, herrelişmek. *Oýnap oturan oglanlar girrelişdiler.*

**GIRRELMEK**, *işl.* Bir zada birden gaharlanmak, derrew gyzmak.

**GIRRELMEKLIK**, *işl.* **Girrelmek hereketi**.

**GIRRELMEZLIK**, *iş ady.* Girre gahary gelmezlik, girrelip durulmazlyk.

**GIRRIK**, *syp.* Sähelçe zada gaharlanýan, gyzýan, gaty gaharjaň, dar gursak. – *Baý, girrik bolupsyň-a, han ogul!*

**GIRRIKLIK**, *at.* Girrik häsiýetlilik, gaharjaňlyk, gyzmalyk, dar gursaklyk. *Girriklik etmek.*

**GIRTDIRMEK**, *işl.* Kiriş ýaly berk dartmak, gaty çekmek.

**GIRTMEK**, *işl.,ser.* **Girtdirmek**.

**GIRÝAN** [girýa:n], *syp., kön. s.* Aglaýan, eňreýän, gözi ýaşly. *Aman diýse, ynsap ediň, Bir gözi girýan ýoluksa* (Talyby).

**GITARA** [gita:ra], *at*. Çirtilip çalynýan birnäçe kirişli saz guraly.

**GITARAÇY** [gita:raçy], *at*. Gitara çalýan sazanda.

**GITDIGIÇE** [gitdiğiçe], *hal.* Ýuwaş-ýuwaşdan, kem-kemden, barha, dura-bara.

**GIT-GIDE**, *hal,gepl.d., ser.* **Gitdigiçe**. *Git-gide ýel güýjeýärdi.*

**GITGIR**, *syp.* Çalt ýöreýän, çalt çapýan, ylgaýan, çapgyr. *Onuň aty gitgirdir*.

**GITGIRLIK**, *at.* Gitgiriň hereketi, ýörgürlik, çapgyrlyk.

**GITHÄ-GITLIK** [githä:-ğitlik], at. Köpçülikleýin gidişlik, köp bolup gidiliş. *Githä-gitlik bolan dessine bizem galmalyň.*

**GITME**, *iş ady.* Gitmek ýagdaýy.

**GITMEK**, *işl.* **1**. Duran ýeriňden başga bir tarapa ýöremek, ugramak. *Sakar ili bilen ärsary bolup, Biz gitdik, sen galdyň, Lebap, hoş indi* (Seýdi*)*. **2**. Işi, käri taşlamak, işleýän, gulluk edýän ýeriňden çykmak, aýrylmak. *Işden gitmek*. *Gullukdan gitmek*. **3**. Ýerine ýetirilmek, goýlan oýun görkezilmek. *Aýgül sahnada gidýän oýna gyzyksa-da, Allaýarow baradaky pikirini öz içine sygdyryp bilmedi* (B. Kerbabaýew). **4**. Agyr haldaky adamyň jan bermegi, jany çykmagy, ölmegi. *Ene: "Balajygym gitdi-le" diýip aglady.* **5**. Göterilmek, gaçmak, aýrylmak. *Bidöwletden döwlet gider* (Magtymguly).

6. *Gitmek* işliginiň hal işligiň *-yp, -ip* goşulmasyny kabul eden şekiliniň yzyndan *barmak, durmak, oturmak, bilmek* ýaly işlik gelende, täze many öwüşginli düzümli işlik ýasalýar: **Gidip barmak** gitmegini dowam etmek. **Gidip oturmak** gitmek hereketi dowam edip durmak; köp ýöremek. *Olar oba häli ýeteris, şindi ýeteris diýip, şol gidip otyrlar, gidip otyrlar.*

◊ **Gözüni açyp gitmek** durmuşyndan närazy, armanly bolup jan bermek.

**GITMEKLIK**, *iş ady.* Gitmek ýagdaýy.

**GITMEZLIK**, *iş ady.* Gitmek hereketini etmezlik.

**GIÝEW** [giýöw], *at.* Öz gyzyň ýa-da aýal doganyň adamsy,köreken. *Men ölsem-de, patyşa saňa gyzyny berer, özüne giýew hem wezir ediner* ("Şasenem – Garyp").

**GIÝEWÇILEMEK** [giýöwçülömök], *işl.,gepl. d., ser.* **Giýewlemek**. *Ol giýewçilemäge gidişi hakynda köp gürrüň etdi.*

**GIÝEWLEME** [giýöwlömö], *iş ady.* Giýewlemek ýagdaýy.

**GIÝEWLEMEK** [giýöwlömök], *işl.* Atasy öýüne gaýtarylan gelniň yzyndan adamsynyň gizlin ýagdaýda görme-görşe barmagy, giýewçilemek.

**GIÝEWLEMEKLIK** [giýöwlömöklük], *iş ady.* Giýewlemek ýagdaýy, täri.

**GIÝEWLEÝIŞ** [giýöwlöýüş], *iş ady.* Giýewlemek ýagdaýy.

**GIÝÄ** [giýä:], *at, k. d.* Ösümlik, ot. *Jülgesinde gögär dürli giýäler* (Mollanepes).

**GIZLEME**, *iş ady.* Gizlemek ýagdaýy, işi.

**GIZLEMEK**, *işl.* Bir zady ýa-da birini başga birinden ýaşyrmak, ýygşyrmak, bukmak, bukup saklamak. *Mert çykar myhmana güler ýüz bilen, Namart özün gizlär, myhman ýoluksa* (Magtymguly).

**GIZLEMEKLIK**, *iş ady.* Gizlemek ýagdaýy.

**GIZLEMEZLIK**, *iş ady.* Bir zady ýa-da birini başga birinden ýaşyrmazlyk, ýygşyrmazlyk, bukmazlyk, bukup saklamazlyk, gizläp durmazlyk.

**GIZLENÇEK**, *syp.,gepl. d.*, *ser.* **Gizlin**. *Siziň beýle gizlençek ýerde oturanyňyzy bilseler, olaryň göwnüne nähili oýlar gelerkä?* (B. Kerbabaýew).

**GIZLENILMEK**, *işl.* Bir zat ýa-da biri başga birinden ýaşyrylmak, ýygşyrylmak, bukulmak.

**GIZLENIŞMEK**, *işl.* Birnäçe bolup gizlenmek, bukulmak.

**GIZLENMEK,** *işl.* **1**. Bir zat ýa-da biri başga birinden ýaşyrylmak, ýygşyrylmak, bukulmak. **2**. *göç.m.*Ýaşmak (Aý, Gün hakda).. *Gün daglaryň aňyrsynda gizlendi*.

**GIZLENPEÇEK**, *at.* Iki topara bölünip oýnalýan çaga oýny: oýna gatnaşýanlaryň bir topary – döwçüler bukulýar, gizlenýär, ikinji topar – eşekçiler gizlenenleri tapýar.

**GIZLEŞDIRMEK**, *işl.* Hemmesini bukup, gizläp çykmak, ýygşyryp goýmak.

**GIZLEŞMEK**, *işl.* **1**. Bir zady gizlemäge kömek etmek.

**GIZLETMEK**, *işl.* Başga biri görmez ýaly etmek, bukdurmak, ýygşyrtmak. *Dermany gizletmek*.

**GIZLEÝIŞ**, *iş ady.* Gizlemek ýagdaýy.

**GIZLIGIN** [gizliği:n], *syp.,ser.* **Gizlin**. *Gizligin iş.*

**GIZLIGINLIK** [gizliği:nlik], *at, ser.* **Gizlinlik**. *Gizliginlik bilen gaçyp gitmek.*

**GIZLIN** [gizli:n], *syp.* Hiç kime duýdurman, äşgär etmän, ogryn, ýaşyryn, gizligin.

**GIZLINLIK** [gizli:nlik], *at.* Hiç kime duýdurmazlyk, äşgär etmezlik, ogrynlyk, ýaşyrynlyk, belli dällik. *Ol özüniň aglaýandygyny hiç kime görkezmejek bolup, gizlinlik bilen gözüni süpürdi* (A. Gurbanow).

**GLOBAL** [globa:l], *syp*. Tutuş ýer ýüzüne degişli, tutuş Ýer togalagyny gurşap alýan; bütindünýä. *Türkmen ýangyç serişdeleriniň halkara bazaryna çykarylmagy – bu biziň ýurdumyzyň global energetika howpsuzlygyna goşandydyr* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr").

**GLOBALLAŞMAK** [globa:llaşmak], *işl.* Haýsydyr bir zada tutuş Ýer ýüzüni gurşap alýan häsiýet, ägirt uly möçber bermek.

**GOBSUNDYRMAK** [govsunnurmok], *işl.* **1**. Oturan ýerinden aýak üstüne galdyrjak bolup gozgamak, hereket etdirmek, ýokary galdyrmak. **2**. *göç.m.* Höweslendirmek, galkyndyrmak, tolgundyrmak. *Söbükleşip, çalasyn gopýan gyzlaryň aýlaw gurap, sazlaşykly hereket edişleri ýüregiňi gobsundyrýar* ("Edebiýat we sungat").

**GOBSUNJYRAMAK** [govsunjuromok], *işl.* Sähelçe gozganmak, galkjak ýaly etmek, ýuwaş gobsunmak.

**GOBSUNMA** [govsunmo], *iş ady.* Gobsunmak ýagdaýy.

**GOBSUNMAK** [govsunmok], *işl.* Ýerinden çala galmak, gozganmak. *Ilmyrat aga gobsundy* (A. Nazarow).

**GOBSUNMAKLYK** [govsunmokluk], *iş ady.* Gobsunmak ýagdaýy.

**GOBSUNYŞ** [govsunuş], *iş ady.* Gobsunmak ýagdaýy.

**GOBSUNYŞMAK** [govsunuşmok], *işl.* Birnäçe bolup oturan ýerlerinden turjak bolup gymyldamak. *Oturanlar biri-birlerine garap gobsunyşdylar.*

**GOBSY** [govsy]: **gobsy bermek** galdyrmak, dikeltmek we ş.m. üçin kömek etmek, tekge bermek.

**GOBZY** [govzy], *at.* Kerwenli argyşa gidilende, käse, çäýnek we ş.m. zatlary salyp, öz ýanyň bilen äkitmek üçin keçeden, gaýyşdan tikilen gap.

**GOÇ**, *at.* **1**. Erkeklik mäzi bolan goýun, dowar. *Iki goçuň kellesi bir gazanda gaýnamaz* (Nakyl). **2**. Erkek jynsly, uly şahly keýik. *Dag goçy birden aşak egildide, özüni çuň derä oklady*. **3**. *göç.m.* Gerçek, batyr. *Goçlarym, häzir boluňlar, Daglar gümmür-gümmürlendi* ("Görogly"). **4**. Oglana dakylýan at. **5**. Oba ady.

◊ **Goç ýigit** edermen, dogumly, edenli, gaýratly ýigit. *Goç ýigit, kaýdan geler sen?* ("Görogly"). *Ýüňi ýeten goç ýigidiň ýanynda, Altmyş nedir, ýetmiş nedir, ýüz nedir* (Magtymguly).

**GOÇAK**[goçok] **I**, *at.* Hala, keçä, aýal-gyzlaryň geýimlerine goçuň şahyna meňzedilip salynýan nagyş. *Olar goçak salnan keçäniň gülüni synladylar.*

**GOÇAK**[goçok] **II**, *syp, gepl.d.* Uly, iri, ullakan.

**GOÇAK**[goçok] **III**, *syp.* Edermen, batyr, gaýratly, dogumly, edenli. *Ol goçaklaryň ýüreginde ýagşylykdan başga zat ýokdur* (B. Seýtäkow). *Goçak ýigitler*.

**GOÇAKLYK** [goçokluk], *at, gepl.d.* Ululyk, irilik.

**GOÇBUÝNUZ** [goçvuýnuz], *at.* Goçuň şahyna meňzedilip, esasan, keçä salynýan aýlawly nagyş.

**GOÇGAR** [goçğor], *at.* **1**.Kiçi goç (ýaş taýdan). **2**. Oglana dakylýan at.

**GOÇULYK** [goçuluk], *at, gepl.d.* Özüne göwni ýetijilik, özünden başga adam bardyr öýtmezlik, men-men diýip döşüňe urmaklyk. *Onuň goçulygy özünden güýçlä duşýançadyr.*

◊ **Goçulyk satmak** men-men diýip, iliň öňünde öwünmek. *Sen näme goçulyk satýarsyň!*

**GOÇY**, *syp.* **1**. Özüne göwni ýetýän, özünden başga adam bardyr öýtmeýän, men-men diýip döşüne urýan. *Ol ýigit şäherlerde goçy bolubam gezipdi* (B. Gulow). **2**. Oglana dakylýan at.

**GODALAK** [godolok], *syp.,gepl.d.* Tokgadan dykyz, kelteden ýognas (adam hakynda).

**GODUK**, *at.* Gulanyň kürresi. *Gulan başyna gaý düşse, godugyna garamaz* (Nakyl).

**GODUKDYRMAK** [go:dukdurmok], *işl.,ser.* **Goduklatmak**.

**GODUKLAMA** [go:duklomo], *iş ady.* Goduklamak ýagdaýy.

**GODUKLAMAK** [go:duklomok], *işl.* Güýçli sarsyp, titräp gitmek, güýçli sarsmak (ýer hakynda). *Ýer goduklamak.*

**GODUKLAMAKLYK** [go:duklomokluk], *iş ady.* Goduklamak ýagdaýy.

**GODUKLAMAZLYK** [go:duklomozluk], *iş ady.* Güýçli sarsmazlyk, titremezlik (ýer hakynda).

**GODUKLATMAK** [go:duklotmok], *işl.* Sarsdyrmak, titretmek. *Ýerleri godukladýan toplar atylyp başlady* (A. Gowşudow).

**GODUKLAÝYŞ** [go:dukloýuş], *iş ady.* Goduklamak ýagdaýy.

**GODURDAMAK** [godurdomok], *işl.* Gody-gody edip gürlemek, hondanbärsi bolup gürläp oturmak. *Godurdap oturmak*.

**GODURDAMAZLYK** [godurdomozluk], *iş ady.* Godurdap gep nokatlap oturmazlyk.

**GODURDAŞMAK** [godurdoşmok], *işl.* Birnäçe bolup, gody-gody edişip oturmak. *Siz näme beýle godurdaşyp otyrsyňyz, işiňiz ýokmy?*

**GODURDY**, *at.* Biderek, boş gürrüň.

**GODY-GODY** [godu-ğody], *at, ser.***Godurdy**.

**GOGUR** [go:ğur], *at.* Çüňki, boýny, aýagy uzyn, batgalyk ýerde ýaşaýan ullakan guş. *Birden goguryň sesi eşidildi*.

**GOH** [go:h], *at.* Şowhunly çykýan wagyrdy, galmagal, gykylyk, gopgun, zenzele. *Olaryň edip oturan gohlary ýatdy* ("Görogly").

◊ **Goh turuzmak** galmagal etmek, gopgun, wagyr, zenzele turuzmak, gykylyklamak.

**GOJA** [gojo], *at.* **1**. Garrylyk ýaşyna ýeten adam, garran adam. **2**. Üstünden birnäçe asyr, köp ýyl geçen, gadymy. *Goja daglar ýerindemi?* (Halk aýdymyndan). **3**. Oglana dakylýan at.

**GOJALMA** [gojolmo], *iş ady.* Gojalmak ýagdaýy.

**GOJALMAK** [gojolmok], *işl.* Gojalyk ýaşyna ýetmek, garramak. *Gojaldykça gider süňňüň kuwwaty, Ýigitligiň zory dyza myhmandyr* (Magtymguly).

**GOJALMAKLYK** [gojolmokluk], *iş ady.* Gojalmak ýagdaýy.

**GOJALMAZLYK** [gojolmozluk], *iş ady.* Garramazlyk.

**GOJALTMAK** [gojoltmok], *işl.* Garratmak, garry ýaşyna ýetirmek. *Durmuş ony gojaltmady.*

**GOJALYK** [gojoluk], *at.* Gojanyň ýagdaýy, garrylyk. *Bu garagol jahyllykdan giderin, Ol hasaly gojalykdan giderin* (G. Ezizow).

**GOJALYŞ** [gojoluş], *iş ady.* Gojalmak ýagdaýy.

**GOJALYŞMAK** [gojoluşmok], *işl.* Gojalyp başlamak, garrap başlamak. *Uruşdan sag-aman dolanyp gelen adamlar hem indi gojalyşdy* ("Mugallymlar gazeti").

**GOJAMAN** [gojoma:n], *at, ser.* **Goja 1**, **2**. *Gojaman taryhyň galňap giden gatlary türkmenleriň mertebesini, medeniýetini saklap bilen halkdygyndan habar berýär* (B. Hudaýnazarow). *Gojaman dag näçe belent bolsa-da, Wagty geler, depesinden ýol geçer* (M. Seýidow). *Ajy gök çaý içip, gojaman Jeýhunyň kenaryna gezelenç etmäge gitdik* (N. Baýramow).

**GOL I**, *at.* **1**. Bedeniň eginden eliň tä barmaklaryna çenli bolan aralygy, bölegi. **2**. Mal soýlanda kesilip alynýan iki öň aýagy. *Goýnuň iki goly.* **3**. *gepl.d.* El. *Men bu gün dostumy ýatlap, goluma galam aldym*

("Edebiýat we sungat"). **4**. Bir ýazgynyň, hatyň, suratyň we ş.m. aşagyna öz eliň bilen ýazylýan şahsy bellik. **5**. Käbir ösümlikleriň, agaçlaryň baldagy, şahasy. *Erte seniň garpyzlaryň, kädileriň goly bütin goly tutar* (N. Esenmyradow). *Üzümiň goly*.

◊ **Gola düşmek** tutulmak, ele düşmek. *Gapyl bolup gola düşdüm, Zaňňar, sen men-menlik etme!* ("Görogly"). **Gola salmak 1)** öz ygtyýaryňa, garamagyňa geçirmek, öz erkiňe boýun egdirmek; edinmek. *Ussa şol gyzy görmek we ony nähili gola salmagyň pikirinde boldy* (A. Durdyýew). **2)** tutmak, ele salmak. **Gol astynda** biriniň garamagynda, tabynlygynda, erksiz, elgarama ýagdaýda. **Gol bermek 1**) ynanýan zadyňa uýmak. *Sopuçylyga gol bermek.* **2)** birine bir hünär boýunça şägirt bolmak, birini halypa tutunmak. *Yhlas bilen bir kämile gol bereniň mydama maksady myrat tapar* ("Nesil"). **Gol bulamak** elini hereketlendirip, yşarat edip, bir zat hakynda duýdurmak; çagyrmak. **Goldan bermezlik** mümkin bolan pursatdan doly peýdalanmak, pursady sypdyrmazlyk, elden çykarmazlyk. **Goldan gitmek** elden çykarmak, pursaty, mümkinçiligi gidermek; eýeçiliginden mahrum bolmak. **Gol gowşurmak 1)** iki eliňi gowşuryp, hyzmata taýyndygyňy bildirmek, "lepbeý" diýip durmak. **2)** işlemän bikär durmak, işsiz durmak, iş etmezlik. **Gol götermek 1)** ýygnakda, saýlawda ses bermek, razylyk bildirmek, eliňi galdyrmak. *Iki adam sese goýlanda birinjisine gol göteren köpeldi.* **2)** işiň rowaç, şowly bolmagy we şowuna düşmegi üçin pata bermek, doga okamak, dileg etmek. *Ýeňiş bilen gaýdyp gel diýip, ene ogluna gol göterip pata berdi.* **Gol sermek** bir zat bermeklerini haýyş etmek, eliňi serip, bir zat dilemek, soramak. **Golundan götermek** goldamak, kömek bermek, goltgy bermek, ezeneginden galdyrmak. *Sen bolsaň, işe günortan gelýärsiň, şumy seniň ýetişip, atań golundan göterişiň?* (A. Durdyýew). **Gol uzatmak** birine ýardam etmek, kömek etmek. **Goly bagly** bir işi, hereketi amala aşyrmaga ygtyýary, erki ýok, garaşly. *Goly bagly syrdaşlarňyz unutmaň!* (Ş. Kekilow). **Goly ýukalyk** elinde harjysynyň az bolmagy. *Adamlar indi goly ýukalykdan kösenmezler*. **Gol ýapmak** biriniň arkasyny tutmak, birine arka durmak.

**GOL II**, *at, geogr*. Derýanyň, ýabyň we ş.m. bölünip gidýän şahasy.

**GOL** [go:l], *at.* Gum ýerinde iki gerşiň aralygyndaky giň oý ýer, töweregi beýik peslik. *Goluňda gotur bolmasyn* (Nakyl). *Çopanlaryň çyn mähriban hossary, Çarwalar goş basýar gollar içinde* (G. Seýitliýew). *Giň golda otlaşyp ýören bir topar keýik onuň dürbüsine düşdi* (N. Pomma). *Jülgesi umgaly, gollary guşly, Kapdagyň bölegi, Balkan amanmy?* (Baýram şahyr).

◊ **Gol doly maşgala** san taýdan uly, agyr maşgala.

**GOLA** [go:lo] **I**, *at*. **1**. Gurşundan guýlan kenek **2**. *gepl.d.* Gurşundan, galaýydan guýlan möhür.

**GOLA** [go:lo] **II**, *at, harby*. Söweşde garşydaşyňa tarap zyňmak üçin gyralary diş-diş metal. *Gola Ýagmyryň gaýyş donunyň iç ýüzündäki demir sowudyny böwüsse-de, onuň tenine batyp bilmedi* ("Garagum").

**GOLA** [go:lo] **III**, *at, zergärç*. Iki tarapy inçe, ortasy togalak, içi daşlyja kümüş şaý.

**GOLAK** [golok], *syp.* **1**. Eliniň bir bölegi kesilen; goly bolmadyk, eli ýok, golsuz. *Ol agsakdy hem onuň bir eli golakdy. Indi bu-da golak bolup galsa nädip bolar*. **2**. *gepl.d.* Haýsy hem bolsa bir goly, eli maýyp bolan.

**GOLAKLYK** [golokluk], *at.* Golak bolmaklyk, goldan mahrumlyk, golsuzlyk, eli ýokluk.

**GOLAMANÇY** [goloma:nçy], *at.* Bir işde köpçüligiň öňüne düşýän; eýe durýan. *Ýowaryň golamançysy Sary ony hormatly ýerde-düşek üstünde oturtdy* (B. Kerbabaýew).

**GOLAMANÇYLYK** [goloma:nçylyk], *at.* Golamançy bolmaklyk. *Men oňa golamançylyk etdim* (R. Gelenow).

**GOLAŇ** [goloň], *at.* Öýüň gamşynyň daşyndan aýlanýan ýüzi nagyşly ýasy ýüp.

**GOLASTY** [golassy], *syp.* **1**. Wezipeli adamyň garamagynda bolan (işgär). *Men siziň golasty işgäriňiz bolup däl-de, garry eneňiz bolup soraýaryn* (B. Pürliýew). **2**. Birine bakna, garaşly bolan. *Golasty hanlaryny Göroglynyň üstüne iberýär* ("Görogly").

**GOLAWRAMA** [golowromo], *iş ady.* Golawramak ýagdaýy.

**GOLAWRAMAK** [golowromok], *işl.* Uzak ýoly pyýada geçmek we ş.m. sebäpli gaty ýadamak, ysgyndan düşmek, halys bolmak.

**GOLAWRAMAKLYK** [golowromokluk], *iş ady.* Golawramak ýagdaýy.

**GOLAWRATMAK** [golowrotmok], *işl.* Gaty ýadatmak.– *Ine, ol aty golawradypsyňyz – diýdi* (A. Gowşudow).

**GOLAWRAÝYŞ** [golowroýuş], *iş ady.* Golawramak ýagdaýy.

**GOLAÝ** [goloý], *syp.* **1**. Ýakyn, daş däl, uzak däl. *Nazar öýlerine golaý geldigiçe şähdi açylýardy* (B. Kerbabaýew). **2**. Garyndaşlyk taýdan ýakyn, ýakyn hossar. *Onuň göwnüne bolmasa, alty doganyň hemmesinden häzirki goja özüne has golaý ýalydy* (B. Kerbabaýew). **3**. *hal*. Ýakyn wagtda, ýakynlykda. *Golaýda dostum görme-görşe geldi*. **4**. Ýakyn ýer, şu töwerek, golaý-goltum. *Golaýda mal bakara boş ýer ýok*. **5**. Belli bir möçbere ýakyn, belli bir mukdara ýeter-ýetmez. *Jaýyň gurluşygyna milliona golaý pul harçlandy*.

**GOLAÝ-GOLTUM** [goloý-ğoltum], *at.* Ýakyn aralyk, ýakyndaky ýer. *Şu golaý-goltumda oba barmy?*

**GOLAÝLAMA** [goloýlomo], *iş ady.* Golaýlamak ýagdaýy.

**GOLAÝLAMAK** [goloýlomok], *işl.* **1**. Golaýyna, ýanyna barmak. *Düýämiz şeýle bir sarç, ýat biri sagaýaýyn diýip golaýlajak bolsa, göni aýak salar*. **2**. Bir ýeriň golaýyna barmak, ýakynyna gelmek, ýetip gelmek. *Otly şähere golaýlaýardy.* **3**. Ýakynlamak, golaý gelmek, ýetip gelmek (wagt hakynda). *Gyş golaýlaýardy.*

**GOLAÝLAMAKLYK** [goloýlomokluk], *iş ady.* Golaýlamak ýagdaýy.

**GOLAÝLAMAZLYK** [goloýlomozluk], *iş ady.* Golaý gelmezlik; golaýyna barmazlyk, golaý durmazlyk, ýakynlamazlyk, golaýlaşmazlyk.

**GOLAÝLAŞDYRMAK** [goloýloşdurmok], *işl.* Bir ýeriň, bir zadyň golaýyna eltmek, ýakynlaşdyrmak, ýakyn getirmek. *Elleri bilen Çerkeziň kellesinden tutup, onuň gökdalak bolan ýüzüni öz ýüzüne golaýlaşdyrdy* (B. Seýtäkow).

**GOLAÝLAŞMAK** [goloýloşmok], *işl.* **1**. Bir ýere, bir zada golaýlamak, golaý gelmek, ýakyn barmak, ýakynlaşmak. *Goja barha oda golaýlaşýardy* (B. Seýtäkow). *Otly duralga barha golaýlaşýardy.* **2**. Ýetip gelmek, ýakynlaşmak, ýakyna gelmek (wagt, pursat hakynda). *Saýlawlar golaýlaşýar.*

**GOLAÝLATMAK** [goloýlotmok], *işl.* **1**. Bir ýeriň golaýyna eltmek, ýakynlatmak, golaýlaşdyrmak. *–Ýagşy ýigit, meni oba golaýladyp bilmezmiň?* **2**. Ýakyn getirmek, ýakynlatmak (wagt, pursat,san hakynda). *Soňky ýyl hem bu sany bir ýüz otuz tonna golaýlatdy.*

**GOLAÝLAÝYŞ** [goloýloýuş], *iş ady.* Golaýlamak ýagdaýy.

**GOLAÝLYK** [goloýluk], *at.* **1**. Uzak dällik, daş dällik, golaý aralyk, ýakynlyk. *Ýatagyň golaýlygy bir gowy zat.* **2**. Garyndaşlyk taýdan bolan ýakynlyk, ýakyn hossarlyk.

**GOLBAG** [golva:ğ], *at.* Hamyt bilen arabanyň arşyny birikdirip baglamak üçin ulanylýan gaýyş, golgaýyş. *Hamydyň golbagyny ýazdyryp, garry ýabymy zordan galdyrdym* (H. Derýaýew).

**GOLÇ**, *s.ş. aňl. söz.* Bir zat ýere gaçanda, ýykylanda çykýan ses, gülç.

**GOLÇA** [golço], *at.* **1**. Içine ýag, bal we ş.m. zatlar salar ýaly agzy giň, syrçaly kiçijik küýze. **2**. *gepl.d.* Pes boýly, tokga adam.

**GOLÇULDAMAK** [golçullomok], *işl.* Golç edip batly ýere gaçmak, ýykylmak.

**GOLÇULDATMAK** [golçullotmok], *işl.* Batly ýere gaçyrmak, ýykmak.

**GOLÇULDY** [golçully], *at.* Birden batly ýere gaçmak, ýykylmak netijesinde döreýän sesiň ady.

**GOLÇUNAR** [golçuna:r], *at.* 52 kart bilen 11 ýa-da 21 sana çenli utuk gazanylyp oýnalýan oýun.

**GOLÇUR**, *at.* **1**. Ösümligiň gapdalyndan ösüp çykýan ösüntgi, kelte şahajyk. **2**. *tikinç.*"Goçak" nagşy salnanda iki gapdalyndan şahajyk ýaly goşulýan goşundy. **3**. Haýsy-da bolsa bir önümçilik düzüminden bölünip aýrylan. *Golçur kärhana.*

**GOLDAMA** [gollomo], *iş ady.* Goldamak ýagdaýy.

**GOLDAMAK** [gollomok], *işl.* Bir meselede birine arka çykmak, kömek bermek, garaşyk, ýardam, hemaýat etmek.

**GOLDAMAKLYK** [gollomokluk], *iş ady.* Goldamak ýagdaýy.

**GOLDAMAZLYK** [gollomozluk], *iş ady.* Goldamak işi amal edilmezlik, goldap durulmazlyk.

**GOLDANMA** [gollonmo], *iş ady.* Goldanmak ýagdaýy.

**GOLDANMAK** [gollonmok], *işl.* Bir zady öz işinde peýdalanmak, ýol görkeziji hökmünde esas edinmek.

**GOLDANMAKLYK** [gollonmokluk], *iş ady.* Goldanmak ýagdaýy

**GOLDANMAZLYK** [gollonmozluk], *iş ady.* Ýol görkeziji, ugrukdyryjy hökmünde peýdalanmazlyk.

**GOLDANYŞ** [gollonuş], *iş ady.* Goldanmak ýagdaýy.

**GOLDAŞ** [golloş], *syp., kön.s.* Kömek berýän, goldaýan, ýardam edýän, kömekçi. *Saklamak täji döwletdir, At ýigidiň goldaşydyr* ("Görogly").

**GOLDAŞMAK** [golloşmok], *işl.* **1**. Goldamaga kömek bermek, arka çykmak, kömek etmek. *Olar kiçilikden biri-birin goldaşyp geldi*. **2**. Bir zady bile götermek, bilelikde biri-biriň goşaryndan tutup götermek. *Iki kişi bolup, doly haltalary goldaşyp daşadylar.*

**GOLDAŞMAZLYK** [golloşmozluk], *iş ady.* Goldaşmak işi amal edilmezlik, ýerine ýetirilmezlik.

**GOLDATMAK** [gollotmok], *işl.* Arka çykdyrmak, kömek berdirmek, hemaýat, ýardam etdirmek.

**GOLDAW** [gollow], *at.* Birine maddy ýa-da ruhy taýdan edilýän kömek, garaşyk, hemaýat, ýardam, goltgy.

**GOLDAÝYŞ** [golloýuş], *iş ady.* Goldamak ýagdaýy.

**GOLGARAMA** [golğarama], *at.* Birine garaşly, tabyn, bagly bolan ýagdaý, bakna, elgarama. *Doganlar biri-birine golgarama bolmak islemeýärdiler.*

**GOLGAÝYŞ** [golğaýyş], *at, ser.* **Golbag**.

**GOLLAND** [golla:nd], *at, ser.* **Gollandlar**.

**GOLLANDLAR** [golla:ndlar], *at.* Gollandiýanyň esasy ilatyny düzýän halk (Niderlandlar).

**GOLLANMA** [gollonmo], *at.* **1**. Bir zady öwrenmek, bilmek üçin peýdalanylýan okuw kitaby, serişde, karta we ş.m. esbaplar. **2**. Kanunlar, kararlar, görkezmeler ýygyndysy.

**GOLLUK**, *at.* Urşujynyň goluny gylyç çapmaz ýaly tirsek bilen goşar aralygynyň daş ýüzünden

geýdirilip, iç ýüzünden dańlyp berkidilýän, gowkurak ýasylanan demir.

**GOLLUK** [go:lluk], *at.* Goluň köp ýeri, gol köp bolan ýer. *Bu ýerler tutuş alaňlyk, golluk, çägelik.*

**GOLSUZ**, **1**. *syp., ser.* **Golak**. *Garry enäniň uly ogly uruşdan golsuz gaýdyp geldi.* **2**. Gol çekilmedik, gol goýulmadyk. *Golsuz güwänama resmi kagyz däl.* **3**. *gepl. d.* Etegi guşaklyga ýetip duran, ýeň oturdylmadyk daşky eşik, ýeňsiz, golsuzja.

**GOLSUZLYK** [golsuzluk], *at, ser.* **Golaklyk**.

**GOLTAŞMAK** [goltoşmok], *işl.* Degşip durmak, ýakyn durmak, biri-biriňe goluň, egniň kaklyşyp durmak. *Onuň bilen goltaşyp oturasy, içgin-içgin sözleşesi gelýärdi* (G. Kulyýew).

**GOLTAŞMAZLYK** [goltoşmokluk], *iş ady.* Goltaşyp durmazlyk.

**GOLTGY** [golutgy], *at, ser.* **Goldaw**.

◊ **Goltgy bermek** kömek, ýardam etmek, hemaýat etmek.

**GOLTUK**, *at.* **1**. Goluň egin bilen birleşýän ýeriniň aşagy. **2**. Ýan bilen goluň arasyndaky zat göterilýän boşluk. *Onuň goltugynda ala top bardy.* **3**. Geýimiň ýan bilen goluň aşagyndaky ýeri. *Köýnegiň goltugy ýyrtylypdyr.*

◊ **Goltugyna girip ýöretmek** goltugynyň aşagyna goluňy salyp, daýanç bolmak. *Agyr hassany iki goltugyna girip ýöretmeli boldy*. **Goltugyndan götermek** ýardam etmek, kömek edip aýak üstüne galdyrmak, gurplandyrmak. *Goltugymdan göterip, göwnüm açdyň, Watanym!* (N. Pomma). **Goltuk jübi** çäkmeniň, penjegiň we ş.m. iç ýüzünden tikilýän haltajyk, kise.

**GOLTUKLAMA** [goltuklomo], *iş ady.* Goltuklamak ýagdaýy.

**GOLTUKLAMAK** [goltuklomok], *işl.* Goltugyňa alyp götermek, goltugyňa almak, goltugyňa gysmak. *Kyýas bir eli bilen Gülendamy goltuklap ýüzmeli boldy* (N. Jumaýew). *Bir gün agşam ol ullakan sary papkasyny goltuklap geldi* (B. Gulow).

**GOLTUKLAMAKLYK** [goltuklomokluk], *iş ady.* Goltuklamak ýagdaýy.

**GOLTUKLAMAZLYK** [goltuklomozluk], *iş ady.* Goltugyna almazlyk.

**GOLTUKLAŞMAK** [goltukloşmok], *işl.* Gollaryny biri-biriň goltugyndan geçirip ýöremek. *Olar goltuklaşyp barýardylar*.

**GOLTUKLAÝYŞ** [goltukloýuş], *iş ady.* Goltuklamak ýagdaýy.

**GOLÝAZMA**, *at.* El bilen ýazylan ýazgy, tekst, elýazma.

**GOM** [go:m] **I**, *at.* Güýçli ýel, harasat zerarly deňizde emele gelýän güýçli tolkun. *Gomlaryň güwwüldisi adamlaryň sesini basýar.*

**GOM** [go:m] **II**, *at.* Örküjiň gapdaly, küpe. *Onuň gomuna tommaýly taýak bilen goýlan ýaly boldy* (A. Nazarow).

**GOMALMA** [gomolmo], *iş ady.* Gomalmak ýagdaýy.

**GOMALMAK** [gomolmok], *işl.* Özüňi hondanbärsi tutup, gomparyp hereket etmek, gymyldamak.

**GOMALMAKLYK** [gomolmokluk], *iş ady.* Gomalmak ýagdaýy.

**GOMALMAZLYK** [gomolmozluk], *iş ady.* Gomalyp durmazlyk, gomalyp oturmazlyk, gomalyp ýörmezlik.

**GOMALYŞ** [gomoluş], *iş ady.* Gomalmak ýagdaýy, derejesi.

**GOMALYŞMAK** [gomoluşmok], *işl.* Birnäçe bolup bile gomalmak, ýerli ýerden gomalmak. *Näme beýdip gomalyşyp otyrsyňyz.*

**GOMLAMA** [go:mlomo], *iş ady.* Gomlamak ýagdaýy.

**GOMLAMAK** [go:mlomok], *işl.* Düýäniň örküjiniň gapdallaryna ýag ýygnanmak, örküji ulalmak, semremek. *Düýeleriň örküji gomlap başlapdyr.*

**GOMLAMAKLYK** [go:mlomokluk], *iş ady.* Gomlamak ýagdaýy, täri.

**GOMLAÝYŞ** [go:mloýuş], *iş ady.* Gomlamak ýagdaýy.

**GOMPARMA** [gompormo], *iş ady.* Gomparmak ýagdaýy.

**GOMPARMAK** [gompormok], *işl.* Özüňi ulumsy tutmak, öwünjeňlik etmek, gopbamsy bolmak, çişmek, gomalmak, gopbarmak. *Ol uly iş bitiren kişi ýaly gomparyp, tünegine gaýtdy* (A. Nazarow).

**GOMPARMAKLYK** [gompormokluk], *iş ady.* Gomparmak ýagdaýy.

**GOMPARMAZLYK** [gompormozluk], *iş ady.* Gomparyp ýörmezlik, gomparyp oturmazlyk.

**GOMPARYLMAK** [gomporulmok], *işl.* Özüňi ulumsy tutmak, gopbarylmak. *Öz ýanyndan özi gomparyldy*.

**GOMPARYŞ** [gomporuş], *iş ady.* Gomparmak ýagdaýy, derejesi.

**GOMPARYŞMAK** [gomporuşmok], *işl.* Birnäçe bolup bilelikde gomparmak.

**GOMP-GOMP**, *s. ş. aňl. söz.* Özüňe göwnüň ýetip, gopbamsyrap ýörelende emele gelýän şekil (köplenç, çaga, ýaş oglan hakynda). *Gomp-gomp edip ýöremek.*

**GOMPY**, *syp.* Özüne göwni ýetýän, özüni hondanbärsi saýýan, gomalýan, gomparýan. *Gompy, çişik adam döşüni gaýşardyp, ýerinden turdy* (B. Soltannyýazow).

**GOMPUJA** [gompujo], *syp.* Özüni gompy alyp barýan (köplenç, çaga hakynda ýa-da kinaýa ýokundysy bilen ulanylýar). *Gompuja oglanjyk.*

**GONAK** [gonok] **I**, *at, kön.s.* Myhman. *Çekip gonaklary, halat ýapmadym, Bisan boldum deňi-duşuň içinde* (Zelili).

**GONAK** [gonok] **II**, *at.* Inçe uzyn ýaprakly, dik ösýän, başy tüýlek gylçykly, dary ýaly ululykda däneleýän, reňki gyzyl ösümlik.

**GONAKBAÝ** [gonokba:ý], *at, gepl.d.* Myhman gelen öýüň eýesi. *Gelýänçä gonak uýalar, gelensoň gonakbaý uýalar* (Nakyl).

**GONALGA** [gonolğo], *at.* Gonar ýaly ýer, gonmak, dynç almak üçin ýer, düşelge. *Hasapsyz uçan guş gonalgasyny ýalňyşýandyr* (B. Kerbabaýew). *Uçar aýlanýar-da, gonalga tarap ugraýar* ("Edebiýat we sungat").

**GONAM** [go:nom], *at.* Gabyr, gör, mazar. *Gonamyň başujunda merhumyň ady ýazylan daş ýatyr.*

**GONAMBAŞY** [go:nommaşy], *at.* Mazarçylykda, gonamçylykda ilkinji jaýlanan adam, ilkinji gabyr, gonam.

**GONAMÇYLYK** [go:nomçuluk], *at.* Ölen, ýogalan adamlar jaýlanýan ýer, mazarçylyk, mazarystan, gabrystan.

**GONÇ**, *at.* **1**. Aýakgaplaryň apgyrtdan ýokarky injigi ýapyp duran bölegi. *Ol maşyndan çykanda, ädigi tä gonjuna çenli guma batdy* (Ş. Borjakow). **2**. Balagyň bir ýan bölegi.

◊ **Gonjuna gor guýmak** çykgynsyz, aladaly ýagdaýa salmak, gaharyny getirmek, aljyraňňy ýagdaýa düşürmek. *Agşamky gelen adam Çarynyň gonjuna gor guýup gidipdi.*

**GONDALAW** [gonnolow], *at.* Gapdalyndan, töwereginden ýetýän päsgel, zyýan, zelel, ynjalyksyzlyk. *Biz sygyr çopanyň gondalawyndan gaçyp, öňki ýerimizi üýtgetdik ahyry* (B. Kerbabaýew).

**GONDALMA** [go:nnolmok], *işl., ser.* **Gozgalmak**.

**GONDAMAK** [go:nnomok], *işl., ser.* **Gozgamak**. *Ol ýanyny ýere bereli bäri ne gollaryny, ne-de aýaklaryny gondap bilýärdi* ("Edebiýat we sungat").

**GONDUBAG** [go:nnuva:ğ], *at.* Mal-gara daňlanda çigişmez ýaly aýlawly daňylýan bag. *Söýgi it däl, zynjyr bilen baglap goýar ýaly ýa-da mal däl, şahyndan gondubag salyp örkläp goýar ýaly* (H. Derýaýew).

**GONDURMAK** [gonnurmok], *işl.* **1**. Gonmaga mümkinçilik bermek, uçup ýören zady ýere düşürmek, uçmagyny bes etdirmek. *Uçary gondurmak.* **2**. *göç.m.* Ýumruk ýa-da taýak bilen berk urmak, doňdurmak, ýelmemek. *Elindäki pil bilen biriniň ýeňsesine gondurasy geldi* (B. Kerbabaýew).

**GONDY** [go:nny], *at, ser.* **Gondubag**.

◊ **Gondy salmak** baglamagyň gondubag usulyny ulanyp daňmak. *Ol goýnuň boýnundan gondy salyp, ýüpüň beýleki halkaly ujuny agaja ildirdi.*

**GONMA** [gonmo], *iş ady.* Gonmak ýagdaýy.

**GONMAK** [gonmok], *işl.* **1**. Uçup ýören zat ýere düşmek, ýere oturmak. *Uçar birden öwrüm etdi-de, gonmak üçin aşaklap başlady.* **2**. Dynç almak maksady bilen ýük ýazdyryp düşlemek. *Odundan gelýän adamlar dagdan düşüp gondular.* **3**. Göçe-göçlük wagtynda, bir ýurtdan ikinji bir ýere baryp ornaşmak, täze ýurt tutmak. **4**. *gepl.d.* Münmek. *Myraly balygyň arkasyna gonanyny duýman galypdyr* ("Myraly").

**GONMAKLYK** [gonmokluk], *iş ady.* Gonmak ýagdaýy.

**GONMAZLYK** [gonmozluk], *iş ady.* Uçýan zadyň: uçaryň, guşuň, emeli hemranyň ýere, bir zadyň üstüne düşmezligi.

**GONULMAK** [gonulmok], *işl.* Howadan ýere düşülmek.

**GONUŞ**, *iş ady.* Gonmak ýagdaýy.

**GONUŞMAK** [gonuşmok], *işl.* Howadan ýere kem-kemden düşmek, yzly-yzyna gonup başlamak. *Uçup ýören kepderiler gonuşyp başladylar.*

**GOŇAK** [goňok], *at.* Saçyň düýbünde emele gelýän, kepege meňzeş kesmekli ownuk tozga. *Saça goňak düşmek.*

**GOŇAKLAMA** [goňoklomo], *iş ady.* Goňaklamak ýagdaýy.

**GOŇAKLAMAK** [goňoklomok], *işl.* Saçyň düýbünde goňak emele gelmek. *Saçyň goňaklapdyr.*

**GOŇAKLAMAKLYK** [goňoklomokluk], *iş ady.* Goňaklamak ýagdaýy.

**GOŇAKLATMAK** [goňoklotmok], *işl.* Saça goňak düşürmek. *Ol saçyny ýuwman goňaklatdy.*

**GOŇK-GOŇK**, *s. ş. aňl. söz.* Kiçi ädimler bilen ýörelende emele gelýän şekil. *Goňk-goňk edip ýöremek.*

**GOŇRALMAK** [goňrolmok], *işl.* Goňur reňke öwrülmek, goňur reňke geçmek, güne, epgege ýanmak netijesinde goňur bolmak. *Günüň ýiti çogundan ýaňa onuň ýüzi goňralyp gidipdi* ("Edebiýat we sungat").

**GOŇRAS** [goňros], *syp.* Goňra ýakyn, goňur öwüsýän, çala goňur, goňrumtyl. *Goňras telpek.*

**GOŇRAW** [goňrow], *at, zergärç.* Içi ownuk daşly, ýumurtga şekilli, gymyldatsaň seslenýän kümüş şaý.

**GOŇRUMTYL** [goňrumtul], *syp., ser.* **Goňras**. *Atam goňrumtyl donuny geýerdi.*

**GOŇŞOKARA** [goňşokoro], *at.* Goňşuçylyk arasynda biş-düşden dadyrylýan nahar; şonuň üsti bilen birek-birege bildirilýän hormat, gadyr.

**GOŇŞUÇYLYK** [goňşuçuluk], *at, ser.* **Goňşulyk**.

**GOŇŞULYK** [goňşuluk], Goňşy bolup ýaşamaklyk, ýanaşyk ýaşamaklyk, ýaşaýan ýeri boýunça ýakynlyk. *Goňşulykda ýaşamak.*

**GOŇŞY**, *at.* **1**. Biri bilen ýanaşyk, duldegşir ýaşaýan adam, hemsaýa. **2**. Ýanaşyk, gapdaldaky. *Myhmana goňşy otaga geçmegi haýyş etdik.*

◊ **Goňşyň gutly bolsun!** ogluny öýerip toý tutýan adamyny gutlamak üçin ulanylýan alkyş sözi.

**GOŇŞY-GOLAM** [goňşu-ğolom], *at.* Goňşulykda we töwerekde ýaşaýan hojalyklar, maşgalalar, goňşular.

**GOŇUR**, *at.* **1**. Garamtyl-gyzyl reňkindäki. *Goňur reňk. Goňur mata.* **2**. Oba ady. **4**. Oglana dakylýan at.

**GOŇURBAŞ** [goňurvaş], *at.* **1**. Boýy ýetip, tohumy bişen gyrtyç. **2**. Mukam ady. *Goňurbaş mukamy.*

◊ **Goňurbaş bolmak** hasyly bişip ýetişmek, oraga gelmek. *Galla ekinleri goňurbaş bolup otyr*.

**GOŇURLYK** [goňurluk], *at.* Gyzgylt mele öwüşginlilik, garamtyl gyzyl reňklilik.

**GOŇURRAK** [goňurra:k], *syp*. Reňki goňra ýakyn; beýlekä göra has goňur reňkli.

**GOŇURSAMA** [goňursomo], *iş ady.* Goňursamak ýagdaýy.

**GOŇURSAMAK** [goňursomok], *işl.* Goňursy ys gelmek, ýanyk, köýük ysy burnuňa urmak. *Ol ot ysy goňursap duran taňkadan ajy çaý içdi* ("Garagum").

**GOŇURSAMAKLYK** [goňursomokluk], *iş ady.* Goňursamak ýagdaýy.

**GOŇURSATMAK** [goňursotmok], *işl.* Goňursy ys ýaýratmak, goňursy ys döretmek. *Sen aşhanada goňursadyp näme edýärsiň?*

**GOŇURSAÝYŞ** [goňursoýuş], *iş ady.* Goňursamak ýagdaýy.

**GOŇURSY I**, *at.* Ýanyk ysy. *Ýanan ýagyň goňursysy içerini tutdy.*

**GOŇURSY II**, *syp., ser.* **Goňras**. *Goňursy reňk.*

**GOP**: **gop bermek 1)** birini ýerinden galdyrmaga kömek bermek, goltgy bermek, ýardam etmek. *Eşegi gop berip zordan ýerinden turuzdylar*. **2)** birini götergilemek, meçew bermek, sen-sen etmek.

**GOP-GOWY**, *syp., hal.*Örän gowy, örän ýagşy, gaty oňat.

**GOPARMA** [gopormo], *iş ady.* Goparmak ýagdaýy.

**GOPARMAK** [gopormok], *işl.* **1**. Gögerip, ösüp oturan ýa-da bir ýere berkidilgi zady dartyp, gazyp sogurmak, sogrup aýyrmak, çekip çykarmak. *Ol dyzap, gazygy goparaýjak bolýardy* (B. Seýtäkow). **2**. Ýüzüniň gatyny, gabygyny aýyrmak, gatyny, suwagyny gaçyrmak. *Jaýyň köne suwagyny goparmak kyn däl.* **3**. *göç. m., gepl. d.* Birini bir ýerden, işden aýyrmak, pyzmak.

**GOPARMAKLYK** [gopormokluk], *iş ady.* Goparmak ýagdaýy, täri.

**GOPARMAZLYK** [gopormozluk], *iş ady.* Goparmak işi amal edilmezlik, ýerine ýetirilmezlik, goparyp durmazlyk.

**GOPARTMAK** [goportmok], *işl.* **1**. Gazyp ýa-da çekip sogurtmak, goparmak işini birine etdirmek. *Tikenli agajy gopartmak*. **2**. Ýüzüniň gatyny, gabygyny aýyrtmak, suwagyny gaçyrtmak. *Ol tamynyň köne suwagyny gopartdy.*

**GOPARYLMAK** [goporulmok], *işl.* **1**. Gazylyp ýa-da çekilip sogrulmak, çekip çykarylmak. *Oýdaky sazaklar goparylyp üýşürildi*. **2**. Ýüzüniň gaty gabygy aýrylmak, suwagy gaçyrylmak. *Jaýyň suwagy goparyldy hem-de täzeden suwaldy.*

**GOPARYŞ** [goporuş], *iş ady.* Goparmak ýagdaýy.

**GOPARYŞDYRMAK** [goporuşdurmok], *işl.* Gögerip, ösüp oturan ýa-da bir ýere berkidilgi zatlary sogruşdyryp çykmak, çekişdirip çykarmak.

**GOPARYŞMAK** [goporuşmok], *işl.* Gazyp ýa-da çekip sogurmaga kömek etmek, bilelikde çykarmak. *Töňňe goparyşmak.*

**GOPBAM** [gopba:m], *syp.,ser.* **Gopbamsy**.

**GOPBAMLYK** [gopba:mlyk], *at, ser.* **Gopbamsylyk**.

**GOPBAMSY** [gopba:msy], *syp.* Ile göwni ýetmeýän, özüni hemmeden uly saýýan, ulumsy, gedem, gopbam.

**GOPBAMSYLYK** [gopba:msylyk], *at.* Ulumsylyk, gedemsilik, hondanbärsilik, gopbamlyk.

**GOPBAMSYRAMAK** [gopba:msyramak], *işl.* Özüňi hondanbärsi tutan bolmak, özüňi hemmeden uly tutmak, gopbarmak.

**GOPBAMSYRAŞMAK** [gopba:msyraşmak], *işl.* Hondanbärsi bolan boluşmak, gomparyşmak. *Siz näme beýle gopbamsyraşyp otyrsyňyz?*

**GOPBARMAK** [gopbormok], *işl., ser.* **Gomparmak**. *Oraz gopbaryp, Törde oturdy* (K. Taňrygulyýew).

**GOPBARYLMAK** [gopborulmok], *işl., ser.* **Gomparylmak**. *Şol wagt gopbarylyp bir ýerden Aşyr çykdy* (B. Gulow).

**GOPBARYŞMAK** [gopboruşmok], *işl., ser.* **Gomparyşmak**.

**GOPDURMAK** [gopdurmok], *işl.* Ýerinden turuzmak, galdyrmak. – *Gel, şahyr, gel! – diýip, Garrynyýaz aga özüniň mähnet göwresini ýeňil gopduryp, Keminäni gadyr bilen garşylady* (G. Gurbansähedow).

**GOP-GOÝY**, *syp., ser.* **Gos-goýy**.

**GOPGUN**, *at.* Güýçli galmagal, gykylyk, zenzele, wagyrdy.

**GOPGUNLY**, *syp.* Güýçli galmagally, gykylykly, zenzeleli, wagyrdyly.

**GOPJY**, *at, gepl.d.* Arka alynýan goş.

◊ **Gopjyňy galgatmak** iki-baka ýelkildemek, ylgaşlamak.

**GOPMA** [gopmo], *iş ady.* Gopmak ýagdaýy.

**GOPMAK** [gopmok], *işl.* **1**. Berkidilen zat duran ýerinden bölünip aýrylmak, döwlüp gaçmak. *Köne jaýlaryň suwagy gopup başlady.* **2**. Bir waka, ýagdaý we ş.m. ýüze çykyp başlamak, goh turmak. *Ýerli-ýerinden gykylyk gopdy* (G. Kulyýew). **3**. *göç.m.* Ýerinden galmak, turmak, başga ýere geçmek. *Gulak salma weli bimany söze, Eşitseň gop ol ýerden başga ýere* (Sopy Allaýar). *Işe gezek gelende ol edil gamak ýaly ýeňil gopardy*. **4**. *kön.s.* Dogmak, döremek. *Gorkut Ata diýrler bir är gopdy* ("Kitaby dädem Gorkut").

**GOPMAKLYK** [gopmokluk], *iş ady.* Gopmak ýagdaýy.

**GOPUK**, *syp.* Gopup, döwlüp aýrylan, gopan. *Onuň köne çemodanynyň tutawajy gopukdy.*

**GOPUŞ**, *iş ady.* Gopmak ýagdaýy, derejesi.

**GOPUŞMAK** [gopuşmok], *işl.* Kem-kemden gopup başlamak, gopup ugramak. *Öýüň köne suwaglary gopuşyp başlapdyr.*

**GOPUZ**, *at.* Diş bilen çalarak gysylyp, barmaklaryň ujy bilen kakylyp çalynýan ýukajyk polat dilli saz guraly.

**GOPUZÇY**, *at.* **1**. Gopuz çalýan, gopuzda sazy ýerine ýetirýän sazanda. **2**. Gopuz ýasaýan ussa.

**GOR I**, *at.* **1**. Çal tutmak üçin düýe çalynyň küýzäniň düýbündäki galan turşy galyndysy, düýe süýdüne goşulýan gönezlik.**2**. Ätiýaçdan tygşytlanyp goýlan pul, serişde. *Öňden toplap goýan goruň bolmasa, gelin edinmek, onuň toýuny sowmak aňsat iş däl.* **3**. Gazylyp alynýan magdanlaryň, nebitiň we ş.m. peýdalanylman ýatan bölegi.

◊ **Gor küýze** düýe çaly tutulýan aram ululykdaky içi syrçaly küýze. *Dulda goşa gor küýzesi* (K. Gurbannepesow).

**GOR II**, *at.* Laýdan, palçykdan salynýan jaýyň, haýatyň bir pagsasy, gaty. *Dört gor galdyrtsaň, jaýyň boýy ýeter.*

**GOR** [go:r], *at.* Otdan galan ownuk köz gatyşykly gyzgyn kül. *Tamdyryň goruny kesewi bilen biraz garyşdyran ejem birden dikeldi* (H. Garabaýew).

◊ **Gor çeken** ýaman niýet bilen ýaramaz hereket edýän adam. **Gor saçmak (sowurmak) 1)** garagolluk etmek, ýakymsyzlyk etmek. **2)** ýaman niýet bilen ýaramaz hereketler etmek. **Gor ýaly** gyzgyn, ýyly. *Içeri gor ýaly.*

**GORA** [go:ro] **I**, *syp.* Bişmedik, turşy (üzüm hakynda).

**GORA** [go:ro] **II**, *at.* El degirmeniniň bogazy.

**GORABA** [gorobo], *syp.* Duzy köp düşen, köp duz atylan, öte duzly. *Çorbany goraba edäýipsiň-le.*

**GORAG** [go:roğ], *at.* **1**. Gorap saklamak üçin geçirilýän çäre, saklaw, goraw. *Parahat durmuşyň goragynda*. **2**. Bir zadyň öňüne edilýän päsgelçilik, germew. *Hatar-hatar täze ekilen gorag agaçlary ese-boýa galypdy*.

**GORAGÇY** [go:roğçy], *at.* **1**. Kimdir birini, haýsydyr bir zady goraýan adam. *Watan goragçylary hiç bir zatda kynçylyk çekmeli däldir, onuň azygy bol, egin-eşigi ýyly, tehnikasy – ýaragy gurat bolmalydyr* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr"). **2**. Futbol, hokkeý oýnunda derwezäni goraýan oýunçy.

**GORAGHANA** [go:roğha:na], *at.* Del ösümlikleri we haýwanlary gorap saklamak hem-de köpeltmek üçin goralyp saklanýan meýdan, ýer.

**GORAGLAMA** [go:roğlomo], *iş ady.* Goraglamak ýagdaýy.

**GORAGLAMAK** [go:roğlomok], *işl.* Ýelden-günden aýamak, gorap saklamak, esewan bolmak.

**GORAGLAMAKLYK** [go:roğlomokluk], *iş ady.* Goraglamak ýagdaýy.

**GORAGLY** [go:roğly], *syp.* Goralyp saklanylýan, saklawly, esewan bolunýan, gözegçilik edilýän. *Goragly bakja ekini.*

**GORAGSYZ** [go:roğsuz], *syp.* **1**. Goralyp saklanylmaýan, saklawsyz, esewan bolunmaýan, gözegçilik edilmeýän. **2**. *göç.m.* Ejiz, güýçsüz.

**GORALMAK** [go:rolmok], *işl.* Gorap saklanylmak, gözegçilik edilmek, göz-gulak bolunmak.

**GORAM** [gorom]: **goram çen** çen edilýän, çak edilýän möçber, mukdar. *Garpyzyň agramy goram çen bilen on kile dagy bardyr*. **Goram etmek** bir zadyň, wagtyň we ş.m. mukdary barada çen, çak etmek, takmynan kesgitlemek. – *Içigar, bulutly gije boldy, asmanyň ýyldyzlaryndanam bize haýyr bolmady, ýogsa ýyldyzlardan çen tutmak, goram etmek bolardy – diýip, ýuwaşja hümürdedi* (A. Gowşudow).

**GORAMA** [go:romo], *iş ady.* Goramak ýagdaýy.

**GORAMAK** [go:romok], *işl.* **1**. Aýap saklamak. *Emlägi goramak. Saglygy goramak*. **2**. Ekine, mala we ş.m. gözegçilik etmek, garawulçylyk çekmek, esewan bolmak, göz-gulak bolmak. **3**. Watany duşmandan gorapsaklamak, gapyl galmazlyk üçin sakçy durmak. **4**. Köpçüligiň öňünde bir mesele, iş boýunça öz pikiriň dogrudygyny delillendirmek.

**GORAMAKLYK** [go:romokluk], *iş ady.* Goramak ýagdaýy.

**GORAMAZLYK** [go:romozluk], *iş ady.* Goramak işini amal etmezlik.

**GORAM-GOWSAK** [gorom-gowşok], *syp.* Gaty gowşak (köplenç, saglygy taýyndan gowşak bolan, dogumly däl). *Goram-gowşak çaga.*

**GORANMA** [go:ronmo], **1**. *iş ady.* Goranmak ýagdaýy. **2**. Hüjümden goranmak üçin gurlan berkitme, goşun we tehnika.

**GORANMAK** [go:ronmok], *işl.* **1**. Bir zatdan özüňi goramak. *Ol eline itden goranar ýaly taýak alyp gitdi* (B. Seýtäkow). **2**. Watanyňy, özüňi howply ýagdaýdan, duşmandan goramak. *Ýurdumyzyň goranmak kuwwaty güýçlendi*.

**GORANMAKLYK** [go:ronmokluk], *iş ady.* Goranmak ýagdaýy.

**GORANMAZLYK** [go:ronmozluk], *iş ady.* Özüňi gorajak bolmazlyk, özüňi goramak üçin hereket etmezlik.

**GORANYŞ** [go:ronuş], **1**. *iş ady.* Goranmak ýagdaýy. **2**. Harby ýagdaýda goşunyň hüjüme geçmän, belli bir ýeri saklap, goranyp duran ýagdaýy. *Harby türgenleşik okuwlary türkmen goşunynyň doly derejede goranyşa taýýardygyny ýene bir gezek görkezdi* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr"). **3**. *sport.* Oýunda bäsdeşiň edýän hüjümine goranmak bilen jogap beriş täri, hüjüme garşy duruş. *Ýerli oýunçylar goranyşdan hüjüme geçip başladylar.*

**GORAŞMAK** [go:roşmok], *işl.* **1**. Bir zady goramaga kömek etmek. *Üzümi guşlardan goraşmak.* **2**. Bile goramak. *Oglanlar ekinçilik ýerlerini malgaradan goraşyp ýörler.*

**GORATMAK** [go:rotmok], *işl.* Goramak işini başga birine etdirmek, gorap saklatmak. *Çagalara jöweni serçelerden goratmak.*

**GORAÝJY** [go:roýjy], *at, ser.* **Goragçy**.

**GORAÝYŞ** [go:roýuş], *iş ady.* Goramak ýagdaýy.

**GORÇY**, *at.* **1**. Garaköli goýun bilen gazaky goýnuň çakyşdyrylmagyndan alnan goýnuň bir görnüşi. **2**. Goýnuň goňra ýakyn we ak bilen goňruň aralygyndaky reňki.

◊ **Gorçy çörek** jöwen we bugdaý unlaryndan garylyp bişirilýän çörek.

**GORDURMAK** [gordurmok], *işl.* **1**. Aty gorgunyna sürmek. *Iki sany atly atlaryny gorduryp sürüp gelýär.* **2**. *göç.m.* Biriniň pikirini, maksadyny bilmek üçin gürletmek, çenini aňjak bolmak.

**GORDURYBERMEK** [gorduruvermek], *işl.* Aty gorgunyna sürüp başlamak, gorduryp ugramak.

**GORGAN** [gorğon], *at.* **1**. Beýiklik, beýgeldilen ýer, depe. *Gorganly daglar görner* (Magtymguly). **2**. Oba, mekan. *Ýakyn geldik Görogly aga, Gorgan göründi-göründi* ("Görogly").

**GORGULAMAK** [gorğulomok], *işl.* Gorgunyna gitmek, gorgunyna barmak. *Atlar irmän-arman gorgulap barýardy*.

**GORGUN** [gorğun], *at.* Atyň gezeriniň, çapyş hereketiniň bir görnüşi. *Atyň başyny gala tarap öwrüp, alaşany gorgunyna sürdi* (B. Seýtäkow).

**GORHANA** [go:rha:na], *at.* Ok-däri, ýarag we harby enjamlar, partlaýjy maddalar saklanýan jaý.

**GORJABERMEK** [go:rja:vermek], *işl.* Gorjap başlamak, gorjamagy yzygiderli dowam etdirmek.

**GORJALAMAK** [go:rjolomok], *işl., ser.* **Gorjamak**. *Toýçulyk tarapyndan ýaňlanyp eşidilýän bagşynyň sesi onuň derdini gorjalaýardy* (G. Kulyýew).

**GORJALAMAZLYK** [go:rjolomozluk], *iş ady.* Gorjalamak işini etmezlik, gorjalap durmazlyk.

**GORJALMAK** [go:rjolmok], *işl.* **1**. Dörjelmek, gozgalmak, degilmek. **2**. Bir zadyň içi arassalanmak, dyrmalmak, arçalmak. *Jüründigiň içi gorjalmak. Turba gorjalmak.* **3**. *göç.m.* Biri bilen bagly bolan zat bir kemçilik tapmak üçin täzeden gozgalmak.

**GORJAMAK** [go:rjomok], *işl.* **1**. Dörjelemek, gozgamak, degmek. *Arynyň öýjügini gorjasaň, öjüger*. **2**. Bir zadyň içini arassalamak, dyrmamak, arçamak. *Nädogry eşidýän bolaýmaýyn diýip barmagy bilen gulagyny gorjady* (N. Jumaýew). **3**. *göç. m.* Biri bilen bagly bolan zady bir kemçilik tapmak üçin täzeden gozgamak. *Eger indi oňa lak atsaň, könäni gorjadygyň boljakdy* (B. Seýtäkow).

**GORJAMAKLYK** [go:rjomokluk], *iş ady.* Gorjamak ýagdaýy.

**GORJAMAZLYK** [go:rjomozluk], *iş ady.* Gorjap durmazlyk.

**GORJAŞDYRMAK** [go:rjoşdurmok], *işl.* **1**. Birnäçe wagtyň dowamynda gorjamak. *Ody gorjaşdyrmak. Arynyň öýjügini gorjaşdyrmak.* **2**. Bir zadyň içini arassalaşdyrmak maksady bilen dyrmalaşdyrmak. *Turbany gorjaşdyrmak.* **3**. *göç.m.* Öň bolup geçen zady ýüze çykarmak, gorjap çykmak.

**GORJATMAK** [go:rjotmok], *işl.* **1**. Gorjamak işini başga birine etdirmek. *Arynyň öýjügini gorjatmak.* **2**. Gorjamaga mejbur etmek. *Dişiňi gorjatmak. Derdini gorjatmak.*

**GORJAW** [go:rjow]: **gorjaw bermek** birini bir zady etmeklige küşgürmek, öjükdirmek, meçew bermek.

**GORJAÝYŞ** [go:rjoýuş], *iş ady.* Gorjamak ýagdaýy.

**GORKA** [gorko], *syp.* Batyrgaý däl, ätiýaçly, çekinibräk, ätiýaç bilen. *Ol gorka seslendi.*

**GORKA-GORKA** [gorko-ğorko], *hal.* Gorky bilen, çekine-çekine, ýaýdana-ýaýdana, sagyna-sagyna. *Gorka-gorka gadam basyp, penjirä golaý bardy, diwara ýaplanyp oturdy* (G. Kulyýew).

**GORKAK** [gorkok], *syp.* Sähel zat üçin gorkup duran, batyr däl, züwwetdin. *Gorkak ýürek bagyr dalar* (Nakyl).

◊ **Gorkan öňürder etmek** bir zat hakynda öz gowşak ýeriňi, günäňi bildirmezlik üçin şol zat hakynda ilki özüň gep açmak ýa-da haýsydyr bir hereketleri etmek. *Ol gorkan öňürder edip, Annagylyjyň üstüne gyzaryldy* (Ş. Borjakow).

**GORKAKLYK** [gorkokluk], *at.* Gorkaga degişli gylyk-häsiýet, batyr dällik, züwwetdinlik.

**GORKAKSYRAMAK** [gorkoksuromok], *işl.* Gorkak bolan bolmak.

**GORKMA** [gorukmo], *iş ady.* Gorkmak ýagdaýy.

**GORKMAK** [gorukmok], *işl.* **1**. Bir zatdan, wakadan, hereketden we ş.m. heder etmek, adamda gorky duýgusy döremek. **2**. Bir zadyň ýüze çykaryndan çekinmek, ätiýaç etmek, üýşenmek, dözümli deprenmän, ýaýdanjaňlyk etmek. *Men gaty sowuk bolar öýdüp gorkýaryn*.

**GORKMAKLYK** [gorukmokluk], *iş ady.* Gorkmak ýagdaýy.

**GORKMAZLYK** [gorukmozluk], *iş ady.* Gorkup durmazlyk.

**GORKUBERMEK** [gorkuvermek], *işl.* Gorkup başlamak, gorkup ugramak.

**GORKULY**, *syp.* **1**. Gorky alamaty ýüze çykyp duran, gorkup duran. *Aýjahan gorkuly gözlerini kakasynyň gartmaç ýüzüne dikdi* (B. Gulow). **2**. Howply, hatarly, wehimli, gorky howpy bolan. *Ýol gorkulydyr, maşyny seresabrak sürüň*.

**GORKULYK** [gorkuluk], *at.* Gorkuly ýagdaý, howplulyk, hatarlylyk, wehimlilik. *Ýol gorkulyk däl, arkaýyn gidiber!*

**GORKUNÇ**, *syp.* Gorky duýgusyny oýarýan. *Harabalykdan geçýan ýol oňa örän gorkunç göründi*.

**GORKUNÇLYK** [gorkunşluk], *at.* Aýylganç, elhenç ýagdaý.

**GORKUSYZ** [gorkusuz], *syp.* **1**. Gorkuly däl, howpsuz. *Gorkusyz ýer.* **2**. Hiç zatdan gorkmaýan, batyrlyk bilen, ätiýaçsyz. *Gorkusyz gitmek.*

**GORKUSYZLYK** [gorkusuzluk], *at.* Gorkusy ýokluk, howpsuzlyk.

**GORKUŞ**, *iş ady.* Gorkmak ýagdaýy.

**GORKUŞMAK** [gorkuşmok], *işl.* Birnäçe bolup gorkup oturmak, gorkup durmak.

**GORKUZMA** [gorkuzmo], *iş ady.* Gorkuzmak ýagdaýy.

**GORKUZMAK** [gorkuzmok], *işl.* Garaşylmadyk hereket, söz we ş.m. bilen gorkmak katdyna ýetirmek, gorkmaga mejbur etmek. *Bu gün gorkuzanym üçin gorksaň, teniň berkär, öwrenişersiň* (B. Kerbabaýew). *Seniň bolşuň meni gaty gorkuzýar*.

**GORKUZMAKLYK** [gorkuzmokluk], *iş ady.* Gorkuzmak ýagdaýy.

**GORKUZYLMAK** [gorkuzulmok], *işl.* Gorkmak katdyna ýetirilmek, gorkmaga mejbur edilmek.

**GORKUZYŞ** [gorkuzuş], *iş ady.* Gorkuzmak ýagdaýy.

**GORKÜÝZE** [gorküýzö], *at, ser.* **Gor I**: **Gor küýze**. *Düýe çal tutmak, gorküýze saklamak güýmenje däl-de sungat* (B. Hudaýnazarow).

**GORKY**, *at.* **1**. Howatyr, wehim salýan duýgy. **2**. Bir zadyň ýüze çykmagy sebäpli döreýän howsala. *Ýel turar gorkusy bilen düşlediler.*

◊ **Gorky astynda bolmak** howatyrly, gorkuly ýagdaýda bolmak. **Gorky damaryny tutmak** gorkan adamyň çatalbasynyň iç ýüzündäki ýogyn damary başam barmagyň bilen tutup, tarsyldysyny ýatyrmak.

**GORKY-HOWATYR** [gorky-howa:ty:r], *at.* Adamda döreýän howsalaly ýagdaý.

**GORKY-ÜRKI** [gork(y)-ürkü], *at.* Adamda döreýän gorkmak duýgusy. *Onuň hiç zatdan gorky-ürküsi ýok*.

**GORLUK**, *at.* Täzeden düýe çalyny tutmak üçin niýetlenen gönezlik. *Gorluk çal*.

**GORLUŞ**, *iş ady.* Gorulmak ýagdaýy.

**GORLY**, *syp.* **1**. Maddy taýdan gory bolan, maýasy bar, barly. *Olar köneden gorly adamlardyr.* **2**. Adam adynyň, *pylan* diýen sözüň yzyndan gelip, şol adamyň adynyň göwnüýetmezçilik bilen tutulýandygyny görkezýär. – *Ynanjagymy hem bilemok, ynanmajagymam, biler bolsaňyz, pylan gorlam adam sanyna goşulaýypdyr*.

**GORP** [gorup], *at.* Akan uly suwuň gyralary opurylan ýoly. *Wüşi keliň giden ýoly bir gorpy geçip, köne galanyň ileri çeti bilen köçä düşmelidi* (A. Gowşudow).

◊ **Gorp atmak** jaýyň we ş.m. düýbünde oý, çukur, gorp emele gelmek, köwülmek. *Gorp atan bir köne tamda, Biçäre gyz huşsuz ýatyr* (R. Seýidow). *Gorp atan köne tamyň üstünden geldi*. **Gorpuň gyrasyndan gaýtmak** betbagtçylyga uçramak derejesine ýetjek-ýetjekde halas bolmak.

**GORRA** [gorro], *syp.* Ingisi inen (erkek adam hakynda).

**GORS**, *at, kön.s.* Diwar, gala diwary. *Isgender gorsudyr, döwülmez, synmaz* (Magtymguly).

**GORSABERMEK** [go:rsa:vermek], *işl.* Gorsap başlamak, gorsap ugramak. *Mekgejöweniňi gorsaber*.

**GORSALMAK** [go:rsolmok], *işl.* Gorjalmak, ölçerilmek, dörjelemek. *Tamdyryň ýanynda ot gorsalýan kesewi ýatyrdy.*

**GORSAMA** [go:rsomo], *iş ady.* Gorsamak ýagdaýy.

**GORSAMAK** [go:rsomok], *işl.* **1**. Gorjamak, ölçermek, dörjemek (ot hakynda). *Ody gorsamak.* **2**. Mekgejöweni we ş.m. goruň içine gömüp, otda, közde bişirmek. *Ol elindäki mekgejöwenleri ojakda gorsady*.

**GORSAMAKLYK** [go:rsomokluk], *iş ady.* Gorsamak ýagdaýy.

**GORSAMAZLYK** [go:rsomozluk], *iş ady.* Gorsamak işini etmezlik, ýerine ýetirmezlik.

**GORSANAN** [go:rsonon], *syp., gepl. d.* Dek oturmaýan, kakynjyrap ýören, iş-alada bilen başagaý (adam).

**GORSANMAK** [go:rsonmok], *işl.* **1**. Özüň üçin otda, gorda mekgejöwen we ş.m. gorsamak. *Mekgejöwen gorsanmak*. **2**. Dek oturman oda-köze düşmek. *Gaty gorsanyp, wagtyň nähili geçeninem bilmedim* ("Edebiýat we sungat").

**GORSAŞDYRMAK** [go:rsoşdurmok], *işl.* Gorsap çykmak, gorsap bolmak. *Ol ojagyň oduny gorsaşdyrdy.*

**GORSAŞMAK** [go:rsoşmok], *işl.* **1**. Gorsamaga kömek etmek. **2**.Bilelikde gorsamak. *Olar gorda mekgejöwen gorsaşyp otyrdylar.*

**GORSATMAK** [go:rsotmok], *işl.* Gorsamak işini başga birine etdirmek; gorsamaga mümkinçilik döretmek. *Tamdyryň oduny gorsatmak. Gorsatsaň, menem bir-iki sany mekge gorsanaýaýyn.*

**GORSAW** [go:rsow], *at.* **1**. Içi gorly, gor gatyşykly; gora öwrülen. **2**. *göç.m.* Gaty gyzan, gyzgyn. *Uzakly gün gyzan gorsaw çägeler-de agşamara sowap başlady*. **3**. *göç.m.* Ýakymsyz, garagol. *Gorsaw çaga*.

**GORSAÝYŞ** [go:rsoýuş], *iş ady.* Gorsamak derejesi.

**GORS-GORS** [gors-ğors], *s. ş. aňl. söz.* Giň aýakgap geýip ýörelende yzly-yzyna çykýan ses. *Gors-gors edip ýöremek*.

**GORSULDAMA** [gorsullomo], *iş ady.* Gorsuldamak ýagdaýy.

**GORSULDAMAK** [gorsullomok], *işl.* **1**. Giň aýakgaply gors-gors edip ýöremek. *Gorsuldap ýöremek*. **2**. *göç. m.* Özüňe göwnüň ýetip, hondanbärsi bolup, eýläk-beýläk ýöremek. *Ol gorsuldap, ikiýana geçýärdi.*

**GORSULDAMAKLYK** [gorsullomokluk], *iş ady.* Gorsuldamak ýagdaýy.

**GORSULDATMAK** [gorsullotmok], *işl.* Gorsuldyly ses çykarmak. *Ol ädigini gorsuldadyp ylgap gelýärdi.*

**GORSULDAÝYŞ** [gorsulloýuş], *iş ady.* Gorsuldamak ýagdaýy.

**GORSULDY** [gorsully], *at.* Giň aýakgap geýip ýörelende çykýan sesiň ady.

**GORUK** [go:ruk] **I**, *syp.* **1**. Bir bolmasy iş bolmagyndan heder edip, hemişe goranyp ýören, çendenaşa seresap. *Goruk adam.* **2**. Agyrak, näzik (adamyň bedeniniň agyrak ýerleri hakynda). *Çagalar, oýnuňyz-a gaty gödek görünýär, ýöne biri-biriňiziň goruk ýerine atanlykda-da depäýmäň!*

**GORUK** [go:ruk] **II**, *at.* Tigriň tekerleriniň üstündäki gorag üçin goýulýan, içi oýuk aýlawly demir.

**GORULMA** [gorulmo], *iş ady.* Gorulmak ýagdaýy.

**GORULMAK** [gorulmok], *işl.* Ýumşak toprakly ýerlerde: süýşüp gaýtmak, aşak çökmek. *Hanasynyň gyralary gorlup, derýa ugruny üýtgedipdir. Diwaryň düýbi gorlupdyr.*

**GORULMAKLYK** [gorulmokluk], *iş ady.* Gorulmak derejesi.

**GORUM**, *at, deňizç.* Gäminiň düýbi. *Gorumdaky suwlar, sag taýa eňip, nawyň bir gapdalyna agram salýardy* (Ş. Borjakow).

**GORUŞ**, *iş ady.* Gormak ýagdaýy.

**GOS-GOÝY** [gos-ğoýy], *syp.* Gop-goýy, has goýy, örän goýy. *Gos-goýy aş.*

**GOŞ I**, *at.* **1**. Öý hojalygynda ulanylýan ýorgan-düşek we ş.m. zatlar. *Sanap çenin bilerden, Örän kän öýüň goşy* (A. Kekilow). **2**. Bir ýere gidilende ýanyň bilen göterilýän ýük, aňry-bäri zatlar, paty-puty. **3**. Çopan-çoluklaryň wagtlaýyn öý tutýan, oturýan ýeri, düşelge. *Çolugy bilen baş çopan goşdadylar* (A. Gowşudow).

◊ **Goş basyp ýatmak** bir ýerden uzak wagtlap gitmezlik; biriniň öýünde köp wagtyň dowamynda bolmak. **Goş birikdirmek** birleşip durmuş gurmak, ýaşaşyp başlamak. **Goş diýmän**, **goşa gysdyrylmak** hiç zat diýilmänkä, gürrüňiň arasyna düşmek, ara sokulmak. **Goşuny arkasyna daňmak** aňry-bäri zatlaryny berip kowmak, kowup goýbermek.**Goşuňy saýlamak** aýalyň bilen aýrylyşmak. **Goş ýazdyrmak** dynç almak maksady bilen düşlemek, goşlary düşürmek.

**GOŞ II**, *at.* Ýer sürmek üçin azala goşulýan mallar; köne ýer sürmek usuly. *Goş, esasan, iki öküz, käte at, boýuntyryk we omaçdan ybarat bolýar. Orta Aziýada goş 1930-njy ýyllara çenli, hatda uruş ýyllarynda hem, ýagny entek traktor bolmadyk ýa-da az bolan wagtlarynda esasy ýer sürüm serişdesi bolupdyr.* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Döwlet guşy", 91 s.).

**GOŞA** [goşo], *at.* **1**. Iki, jübüt, taýly. **2**. Iki nilli tüpeň. *Ol goşany alyp awa gitdi.***3**. Oglana dakylýan at.

◊ **Goşa alaja** akly-garaly sapaklardan işilip ýa-da örülip taýýarlanýan ýüp. **Goşa dyrnak** (*dil b.*) ýazgyda başganyň sözüni, şeýle hem ýaňsa alynýan sözleri we ş.m. tapawutlandyrýan dyngy belgi ("..."). **Goşaja jüýje** *jüýje* nagşynyň iki gezek gaýtalanyp salynýan görnüşi. **Goşa kapyýa** setir soňundaky kapyýalaşýan sözleriň öň ýanyndaky sözleriň hem kapyýalaşmasy.

**GOŞABAŞ** [goşovaş], *at.* Döwek döwlende döwülmän galan bugdaýyň başy.

**GOŞAGAÇ** [goşağaç], *at.* Iki diwary birleşdirmek üçin eýwanyň ýokarsyna goýulýan agaç.

**GOŞAGAŞ** [goşoğa:ş], *at.* Şaý-sep bezeglerine goşalandyrylyp goýlan gaş.

**GOŞAGOÇAK** [goşoğoçok], *at.* Haly önümlerinde, tarada dokalýan gyňaçlara, keçä biri-birine garşylykly edilip salynýan iki sany golçursyz goçak.

**GOŞA-GOŞA** [goşo-ğoşo], *at.* Iki-ikiden, jübüt-jübüt. *Goşa-goşa ogluň bolsun!*

**GOŞA-GOŞADAN** [goşo-ğoşodon], *hal., ser.* **Goşa-goşa.**

**GOŞAGUŞ** [goşoğuş], *at.* Gölüň içindäki guşuň aýagyna meňzeş goşalandyrylyp salynýan nagyş.

**GOŞALAMA** [goşolomo], *iş ady.* Goşalamak ýagdaýy.

**GOŞALAMAK** [goşolomok], *işl.* Goşa, iki, jübüt etmek.

**GOŞALAMAKLYK** [goşolomokluk], *iş ady.* Goşalamak ýagdaýy.

**GOŞALANDYRMAK** [goşolonnurmok], *işl.* Goşa-goşa, jübüt-jübüt etmek. *Goşalandyryp jaý salmak.*

**GOŞALANMAK** [goşolonmok], *işl.* Goşa bolmak, iki bolmak, iki bolup görünmek. *Ýigidiň şol bada aladasy goşalanypdy, göwni çuňňur iňkise batypdy* (G. Kulyýew).

**GOŞALAÝYN** [goşoloýun]: **goşalaýyn typmak** buzuň üstünde iki bolup (oglan bilen gyz) typyp, her hili bedenterbiýe we çeper tanslary ýerine ýetirmek. *Buzuň üstünde goşalaýyn typmak.*

**GOŞALAÝYŞ** [goşoloýuş], *iş ady.* Goşalamak ýagdaýy.

**GOŞANÇ** [go:şonç]: **goşanç bermek (bolmak)** adam bedeniniň bir ýerine birahat ediji täsir etmek. *Haltamy seniň gapdalyňdan aýraýaýyn, goşanç berip durmasyn.*

**GOŞANIL** [goşoni:l], *at, gepl. d., ser.* **Goşa 2**. *Timar berip çyksaň goşaniliňe, Marally, towşanly awlaklary bar* (K. Gurbannepesow).

**GOŞANT** [goşont], *at.* Bir zadyň üstüni ýetirmek üçin goşulýan, goýulýan paý, bölek, ýetne, urna, gatanç. *Olar geçen ýyl hojalygyň pagta meýilnamasynyň dolmagyna öz goşantlaryny goşdular* ("Mugallymlar gazeti").

**GOŞANTLY** [goşontly], *syp.* Goşandy bar bolan, garyndyly.

**GOŞAR** [goşor], *at.* Bilegiň aşak bölegi, sagat dakylýan ýer. *Reýhan arap Gülendamyň goşaryndan tutdy-da, ýokaryk dartdy* ("Görogly"). *Geçi çöpürinden işilen inçejik ýüp goşarlarymy kertip barýar* (B. Öwezow).

◊ **Goşar sagat** goşara dakylýan sagat.

**GOŞARLAMA** [goşorlomo], *iş ady.* Goşarlamak ýagdaýy.

**GOŞARLAMAK** [goşorlomok], *işl.* Türkmen göreşinde garşydaşyň bilini gujaklap, öz goşaryňdan tutmak.

**GOŞARLAMAKLYK** [goşorlomokluk], *iş ady.* Goşarlamak ýagdaýy.

**GOŞARLATMAK** [goşorlotmok], *işl.* Göreşilende garşydaşyňa biliňden goşarlap tutdurmak.

**GOŞARLAÝYŞ** [goşorloýuş], *iş ady.* Goşarlamak ýagdaýy.

**GOŞATOÝNAKLYLAR** [goşotoýnoklulor], *at.* Aýaklarynyň ujy iki toýnaga bölünýän süýdemdirijiler toparynyň ady (goýun, sygyr, doňuz we ş.m.).

**GOŞAWUÇ** [goşowuç], *at.* **1**. Iki ýanawujy birleşdirip tutanyňda el aýasynda emele gelýän boşluk. *Goşawujyny tutmak*. **2**. Iki ýanawujyňy birleşdirip tutanyňda şoňa sygýan zat. *Bir goşawuç gowurga*.

**GOŞAWUÇLAMA** [goşowuşlomo], *iş ady.* Goşawuçlamak ýagdaýy.

**GOŞAWUÇLAMAK** [goşowuşlomok], *işl.* Goşawujyňy dolduryp almak. *Gussa bilen bakyp söwüt, çynara, Saýasynda goşawuçlap suw içdim* (G. Ezizow).

**GOŞAWUÇLAMAKLYK** [goşowuşlomokluk], *iş ady.* Goşawuçlamak ýagdaýy.

**GOŞAWUÇLAMAZLYK** [goşowuşlomozluk], *iş ady.* Goşawujyňy dolduryp almazlyk.

**GOŞÇY** [goşşy] **I**, *syp.* **1**. Goş saklaýan, goşa seredýän. *Goşçy it*. **2**. Goşa goşulan (öküz, ýaby, eşek hakynda). **3**. Oglana dakylýan at.

◊ **Goşçy eşek ýaly bolmak** biriniň ýanyndan aýrylmazlyk, gitmezlik. *Sen näme, goşçy eşek ýaly bolup, onuň ýanyndan aýrylaňok?*

**GOŞÇY** [goşşy] **II**, *at, taryh*. Türkmenistanda 1920-nji ýyllarda dörän daýhanlar birleşigi.

**GOŞDAŞ** [goşdoş], *syp.* Meýdan ýerinde bir goşda ýa-da biri-birine ýakyn goş tutup ýaşaýan.

**GOŞDURMAK** [goşdurmok], *işl.* Goşmak işini birine etdirmek. *Goş goşduryp ýer sürmek.*

**GOŞEGREM** [goşeğrem], *at.* Çitme, öýdüme, basma, gaýma we keşde bilen çekilýän, gözenegiň içine salynýan kütegräk üçburçluk görnüşindäki goşa nagyş.

**GOŞÄLEM** [goşä:lem], *at.* Uly halylaryň älemine salynýan nagyş.

**GOŞ-GOLAM** [goş-ğolom], *at.* Durmuşda, ýaşaýyşda zerur bolan zatlaryň jemi, öý goşy. *Ol bir burçdaky goş-golamynyň ýanyna baryp ýaplandy* ("Edebiýat we sungat").

**GOŞGUÇY** [goşğuçy], **1**. *at, gepl.d.* Goşgy düzüji, goşgy goşýan, şahyr. *Sen-ä daýhan däldiň, gardaş, ol ýyllar, Seniň dostuň bolsa goşguçy däldi* (B. Hudaýnazarow). **2**. *syp., gepl.d.* Goşgy okamagy, diňlemegi halaýan (adam).

**GOŞGY** [goşğy], *at.* **1**. Şygyr bilen ýazylan şahyrana eser. **2**. *gepl.d.* Şygyrlaryň umumy ady. *Ol goşgy okady*.

**GOŞHALTA**, *at.* Goş-golam salmak üçin ulanylýan halta. *Paty-putymy goşhaltama saldym-da, ýola düşdüm* ("Edebiýat we sungat").

**GOŞ-KÖTEL** [goş-kötöl], *at, ser.* **Goş-golam**. *Jygaly beg pahyryň näme goş-köteli bar* ("Görogly").

**GOŞLAMA** [goşlomo], *iş ady.* Goşlamak ýagdaýy.

**GOŞLAMAK** [goşlomok], *işl.* Münülýän mallaryň birine münüp, beýlekisini öz ýanyň bilen idip gaýtmak, idip gitmek. *Ol üstüne çörekli horjun ýüklenen ýene bir ýabyny goşlap, Gün eňegini ýere berende, orakçylaryň ýanyna geldi*.

**GOŞLAMAKLYK** [goşlomokluk], *iş ady.* Goşlamak ýagdaýy, derejesi.

**GOŞLAMAZLYK** [goşlomozluk], *iş ady.* Goşlamak işi ýerine ýetirilmezlik.

**GOŞLAŞMAK** [goşloşmok], *işl.* Goşa, jübüt bolmak, goşulmak.

**GOŞLAÝYŞ** [goşloýuş], *iş ady.* Goşlamak ýagdaýy.

**GOŞMA** [goşmo] **I**, *at.* **1**. *iş ady.* Goşmak ýagdaýy. **2**. Goşulyp emele gelen, goşulyp ýasalan.

◊ **Goşma at** (*dil b.*) iki we ondan köp sözden emele gelen at. *Düýedaban, toklutaý we ş.m. goşma atlardyr.* **Goşma sözlem** (*dil b.*) birnäçe ýönekeý sözlemlerden düzülen sözlem.

**GOŞMA** [goşmo] **II**, *at.* Gara öýüň üzügi, durlugy üçin gamşa salnyp, ýüňüň dürli hilinden garyşdyrylyp edilen keçe, uly gülli keçe.

**GOŞMAÇA** [goşmoço], *syp.,hal.* Öňki mukdaryň, möçberiň daşyndan, onuň üstesine. *Goşmaça zähmet rugsady. Goşmaça zähmet haky. Kitaba goşmaça bölüm girizmek. Goşmaça habar bermek.*

**GOŞMAK** [goşmok] **I**, *işl.* **1**. Bir zadyň üstüni ýetirmek, üstüni doldurmak. **2**. Içine garmak, garyşdyrmak. *Çala suw goşmak.* **3**. Köpüň, köpçüligiň arasyna garmak, salmak. *Çagalary ulaldyp, il hataryna goşmak. Goýny sürä goşmak*. **4**. Arabany, azaly we ş.m. mala dakmak; döwek döwmek, ýer sürmek üçin ýabylary ýa-da öküzleri, eşekleri biri-biriniň gapdalyna çatmak. *Ol goşa öküzini goşup, ýer sürüp ýördi.* **5**. Goşgy, şygyr düzmek, ýazmak. *Goşgy goşmak*. **6**. Ýaryşdyrmak, çapyşdyrmak, güýç synanyşdyrmak. *Sen meniň bilen atyňy uzaga goşup bilmersiň.* **7**. Bir zat bilen ikinji zady birikdirmek, ulamak, tapyşdyrmak. **8**. Birini başga biriniň ýany bilen ibermek, ýanyna ýoldaş edip bermek. *Myhmanyň ýanyna oglumy goşdum.* **9**. *hasap.* Bir sana başga bir sany birleşdirip, goşulýan sanyň möçberinde mukdaryny artdyrmak. *Başga bir gezek okuwçylaryň ekabyrragy: – Anna kaka, bize diňe goşmagy öwredýärsiň-laý!* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Älem içre at gezer", 16 s.).

◊ **Goşmak belgisi** matematikada: iki sany biri-birine goşmalydygyny aňladýan belgi.

**GOŞMAK** [goşmok] **II**, *at.* Düýäniň bir tohumy, görnüşi.

**GOŞMAK** [goşmok] **III**, *at.* Dowaryň biri-birine ýelmeşip, tokgalanyp guran çöri.

**GOŞMAKEÇE** [goşmokeçe], *at, ser.* **Goşma II**.

**GOŞMAKLYK** [goşmokluk], *iş ady.* Goşmak ýagdaýy.

**GOŞMAZLYK** [goşmozluk], *işl.* Goşmak işini amal etmezlik, ýerine ýetirmezlik.

**GOŞUBERMEK** [goşuvermek], *işl.,* Goşup başlamak, goşup ugramak.

**GOŞUK**, *at, kön.s.* Goşgy.

**GOŞULMA** [goşulmo], **1**. *iş ady.* Goşulmak ýagdaýy. **2**. *dil b.* Özbaşdak ulanylman, sözlere goşulyp söz ýasamak, söz üýtgetmek we şekil ýasamak hyzmatyny ýerine ýetirýän affiks, bölek. *San goşulmasy. Düşüm goşulmasy. Zaman goşulmasy.*

**GOŞULMAK** [goşulmok], *işl.* **1**. Garylmak, gatylmak. *Toşaba ýag goşuldy.* **2**. Arasyna eltilmek, içine girizilmek. *Ümüş-tamyşda sürimize bir topar goýun goşuldy*. **3**. Bilelikde hereket etmek. **4**. Tertipli, sazlaşykly bolmak. *Çagalaryň sesi sazyň sesi bilen goşulýardy*. **5**. Araba we ş.m. tirkelmek, dakylmak. *Onuň araba goşulýan iki sany ýabysy bardy* ("Garagum"). **6**. Ýaryşmak, çapyşmak. *Ýaryşa goşulmak*.

**GOŞULYJY** [goşulujy], *at, mat.* Goşulýan san.

**GOŞULYŞ** [goşuluş], *iş ady.* Goşulmak ýagdaýy.

**GOŞULYŞMAK** [goşuluşmok], *işl.* **1**. Birnäçe bolup birleşmek, garyşmak. **2**. Sazlaşykly çykmak, sazlaşmak. *Dutardyr gyjagyň sesi goşulyşyp çykýardy*. **3**. Bir işe beýlekiler bilen deň hatarda gatnaşmak. *Gelin-gyzlar hem özara ýaryşa goşulyşyp işleýärler.*

**GOŞUN**, *at.* Döwletiň Ýaragly Güýçleriniň ýa-da olaryň bölümleriniň jemi.

**GOŞUNÇYLYK** [goşunçuluk], *at.* Goşun gullugy. *Goňşymyzyň ogly goşunçylykdan geldi.*

**GOŞUNDY**, *at.* **1**. *ser.* Garyndy, garnuw. *Bu matanyň bir hili ýüpek goşundysy bar ýaly.* **2**. Käbir resminamalaryň, monografiýalaryň, dissertasiýalaryň yzyna tirkelip getirilýän tekst.

**GOŞUŞDYRMAK** [goşuşdurmok], *işl.* Birnäçe zady biri-birine goşup çykmak.

**GOŞUŞMAK** [goşuşmok], *işl.* Bir zady başga bir zada goşmaga kömek etmek. *Palçyga saman goşuşmak.*

**GOŞÝUMRUK**, *at.* Birleşdirilen goşa ýumruk. *Dag etegindäki biten narlaryň her biri goşýumruk ýaly sallanyp, gyzaryp durdy*.

**GOTAN** [goton], *at.* Alkymy holtumly, uzyn çüňkli, suwly ýerlerde ýaşaýan, aýaklary gysga uly guş.

◊ **Gotana dönmek** suwdan, çaýdan we ş.m. zatlardan ganman köp içmek.

**GOTAZ** [gotoz], *at.* Bezeg üçin daňylýan ujy pürçükli, seçekli düwme. *Ol gamçysynyň gotazlaryny oýnaşdyrdy* (B. Seýtäkow).

**GOTAZLYK** [gotozluk], *syp.* Gotaz etmek üçin gerekli ýüp.

**GOTDY-GOTDY** [gotdu-ğotdy]: **gotdy-gotdy etmek** hondanbärsi bolup, ýerliksiz gürläp oturmak.

**GOTUR**, *at, syp.* **1**. Malyň hamyna, adamyň endamyna düşýän giji keseli. *Gotur düýäň aýagyna ýyl aşan gara ýag çaldym*. **2**. Ýüzüni mama dişän, ýüzünde mama keseliniň yzy galan. *Ýüzi gotur*.

◊ **Gotur açmak** gotur keseli bilen kesellemek, gotur keseli degmek. **Bitini gotura derman etmek** dilegiň düşse, iň bir ýönekeýje zadyny hem bermäge dözmezlik.

**GOTURAKY** [goturoky], *syp.* Ýüzünde mama keseliniň yzy galan. *Goturaky adam*.

**GOTURAMAK** [goturomok], *işl., ser.* **Goturlamak.**

**GOTURLAMA** [goturlomo], *iş ady.* Goturlamak ýagdaýy.

**GOTURLAMAK** [goturlomok], *işl.* **1**. Gotur keseli bilen kesellemek, gotur açmak. **2**. Gawunyň, ternäniň daş ýüzi keselläp, adaty keşbini ýitirmek.

**GOTURLAMAKLYK** [goturlomokluk], *iş ady.* Goturlamak ýagdaýy.

**GOTURLAÝYŞ** [goturloýuş], *iş ady.* Goturlamak ýagdaýy.

**GOTURLYK** [goturluk], *at.* Gotur keseli bilen kesellemeklik, goturyň ýagdaýy.

**GOW I**, *at.* Ýylan ýaly käbir jandaryň hamynyň daşyndan syrylyp aýrylýan ýukajyk ýargak.

**GOW II**, *at.* Çakmak daşyndan uçgun çykanda ot düşmek üçin ýörite işilen hem-de ujy ýakylyp gurumlanan pamyk.

◊ **Gowuna ot düşmek (ýapyşmak)** bir zada gahary gelmek, ot alan ýaly bolmak.

**GOWA** [gowo], *at.* Guýudan suw çekmek üçin gönden, hamdan edilen gap. *Gowany guýa sallap, suw çekdi*.

**GOWAÇA** [gowoço], *at.* **1**. Süýüminden ýüplük öndürilýän pagta berýän ösümlik. *Ýurt boýunça gowaça ekişi tamamlandy* ("Türkmenistan"). **2**. *tikinç.* Gölüň ortasyndaky pişme görnüşli nagyş. **3**. *gepl.d.* Pagta.

**GOWAÇALYK** [gowoçoluk], *at.* Gowaçanyň köp ekilen, kän gögerip oturan ýeri. *Olar gowaçalygyň gyrasy bilen düşelgä tarap gitdiler*.

**GOWADAKLAMA** [gowodoklomo], *iş ady.* Gowadaklamak ýagdaýy.

**GOWADAKLAMAK** [gowodoklomok], *işl.* **1**. Owşanaklap ýöremek. *Ol gowadaklap geldi*. **2**. *göç.m.* Ýaranjaňlyk bilen hereket etmek.

**GOWADAKLAMAKLYK** [gowodoklomokluk], *iş ady.* Gowadaklamak ýagdaýy.

**GOWADAKLAŞMAK** [gowodokloşmok], *işl.* Birnäçe bolup gowadaklap ýöremek.

**GOWADAKLAÝYŞ** [gowodokloýuş], *iş ady.* Gowadaklamak ýagdaýy.

**GOWAK** [gowok], *at.* Dagyň, depäniň, baýryň we ş.m. düýbünde, ýüzünde emele gelen ullakan çukur, uly köwek ýer. *Çerkeze her bir gowak, her bir daş tanyşdy* (B. Kerbabaýew).

**GOWALÇ** [gowolç], *at.* **1**. Içi boş, içi köwlen, köwük. **2**. *ser.* **Gowuz**.

**GOWALDAŇ** [gowolloň], *at.* Dolak dolanman, jorapsyz. *Tarhan ädigini gowaldaň geýip, donuny başyna büräp, daşaryk çykdy* (G. Kulyýew).

**GOWGA** [gowğa:], *at.* **1**. Bir ýagdaý zerarly döreýän dawa, gykylyk, galmagal, zenzele. **2**. *gepl.d.* Uruşly, goh-galmagally, pajygaly we ş.m. hadysalar. *Berdi aga ýaşy birçene ýeten, köp gowgalary başdan geçiren adamdy* (B. Pürliýew).

**GOWGAÇY** [gowğa:çy], *syp.,ser.* **Gowgaçyl**.

**GOWGAÇYL** [gowğa:çyl], *syp.* Elmydama gowga, dawa edýän, gykylykçy, galmagalçy, jenjelçi, gowgaçy.

**GOWGALY** [gowğa:ly], *syp.* Gowgasy köp, gowgasy bar bolan, gowgasyz däl. *Mert bol, Görogly, Är başy gowgaly bolar* (G. Ezizow). *Ol ýaşynyň ýaňy otuzdan agmagyna garaman, gowgaly günleri köp görüpdi* (G. Kulyýew).

**GOWGASYZ** [gowğa:syz], *syp.* Gowgasy ýok, gowgaly däl. *"Başy gowgasyz är görde ýagşy" diýipdirler* (G. Kulyýew).

**GOWKA** [gowko], *at.* Ýüňi ýolnup, oda çirkizilip, goýun derisinden taýýarlanýan iýmit.

**GOWKALYK** [gowkoluk], *syp.* Gowka etmek üçin niýetlenen (ýüňi ýolnan goýun derisi).

**GOWKARMA** [gowkormo], *iş ady.* Gowkarmak ýagdaýy.

**GOWKARMAK** [gowkormok], *işl.* Gowky bolmak. *Onuň aýagy gowkaryp dur*.

**GOWKARMAKLYK** [gowkormozluk], *iş ady.* Gowkarmak ýagdaýy, derejesi.

**GOWKARTMAK** [gowkortmok], *işl.* Gowky etmek. *Myrat aýaklaryny gowkardyp, içki jaýa girdi.*

**GOWKARYŞ** [gowkoruş], *iş ady.* Gowkarmak ýagdaýy.

**GOWKURT**, *at.* Dagda bitýän ýasy ýaprakly, ýumşak baldakly ot. *Ýaby gowkurdy halap iýýärdi*.

**GOWKY**, *syp.* Birneme egri, ýaý berip duran. *Olaryň biri jüýk burun, ömrüni at üstünde geçireniňki ýaly gowky aýakly gojady* (N. Jumaýew).

**GOWLUK**, *at.* Ýuwlukdan bolan çaga. *Gowlugy görmek hem bagtlylyk.*

**GOWRUK**, *at.* Telpegiň eteginiň gowrulan, büzülen ýeri. *Telpeginiň eteginiň gowrugy sökülip, ony telpek basana meňzeýärdi* (A. Gowşudow).

**GOWRULMAK** [gowrulmok] **I**, *işl.* Ýaga daglanyp bişirilmek. *Gowrulan et.*

**GOWRULMAK** [gowrulmok] **II**, *işl.* Agzy ýüp bilen büzülmek. *Çarygyň agzy gowruldy.*

**GOWRUNMAK** [gowrunmok], *işl.* Özüň üçin gowurmak. *Balyk gowrunmak.*

**GOWRUŞDYRMAK** [gowruşdurmok], *işl.* Hemmesini gowrup çykmak. *Etleri gowruşdyryp goýmak.*

**GOWRUŞMAK** [gowruşmok], *işl.* **1**. Gowurmaga kömek etmek. *Gelni gaýyn enesine et gowruşdy*. **2**. Bile gowurmak. *Gyzlar gowurga gowruşyp otyrdy.*

**GOWŞADYLMAK** [gowşodulmok], *işl.* **1**. Berkligi, pugtalygy peseldilmek, gowşak edilmek. *Ýaranyň daňysy gowşadyldy*. **2**. Depgini, bady peseldilmek.

**GOWŞAK** [gowşok], *syp.* **1**. Berk däl, pugta bolmadyk, yranyp duran. *Dikilen agaçlar gowşakdy.* **2**. *göç.m.* Dogumly däl, emelsiz, sölite, lellim, özüni oňarmaýan. *Gowşak çaga*. **3**. Ökde däl, güýçli däl, pes. *Bu gezek biziň toparymyz örän gowşak oýnady*. **4**. Çala, ysgynsyz, ýuwaş, pes. *Onuň sesi hem keselliňki ýaly gowşakdy.* **5**. Gaty tow berilmedik. *Ýüpegi gowşak işseň, gaýma gowy düşýär.* **6**. Pes depginli, haýal. *Aýdyşyňyza görä, siz birneme gowşak deprenýärsiňiz öýdýän?* (B. Pürliýew). **7**. Çeperçilik taýdan pes, ugursyz. *Gowşak setirler*.

◊ **Gowşak damaryny tapmak** bir işi bitirmek ýa birini yrmak üçin gorkýan, çekinýän ýa-da göwneýän zadyny bilmek. *Küle häzir onuň gowşak damaryny tapyp, öz peýdasyna ýňdarmany başardy* (N. Baýramow).

**GOWŞAKLAÇ** [gowşokloç], *syp.,gepl.d.* Birneme gowşak, emelsiz, lellimräk. *Ol bir hili gowşaklaç, äwmezek lopbuş oglandy* (B. Kerbabaýew).

**GOWŞAKLYK** [gowşokluk], *at.* **1**. Berk dällik, pugta dällik, durnuksyzlyk. **2**. Dogumly dällik, emelsizlik, sölpülik, lellimlik, özüňi oňarmazlyk. **3**. Sagat dällik, ýarawsyzlyk, mejalsyzlyk. *Özünde bir hili gowşaklyk syzdy* (B. Kerbabaýew).

**GOWŞAMA** [gowşomo], *iş ady.* Gowşamak ýagdaýy.

**GOWŞAMAK** [gowşomok], *işl.* **1**. Öňki derejesinden berkligi peselmek, pugtalygy aýrylmak. *Oturgyjyň çüýleri gowşapdyr.* **2**. Bady ýatyşmak, peselmek, köşeşmek. *Güýçli ösen ýel birneme gowşady.* **3**. Depgini, bady peselmek, haýallamak. **4**.Güýçsüzlenmek, ysgynsyzlyk aralaşmak, ysgyny gaçmak. *Meniň hem süňňüm gowşap gitdi* (R. Gelenow).

**GOWŞAMAKLYK** [gowşomokluk], *iş ady.* Gowşamak ýagdaýy.

**GOWŞAŞMAK** [gowşoşmok], *işl.* **1**. Ýuwaş-ýuwaşdan, kem-kemden gowşap başlamak. **2**. Az-owlak maýlaşmak, aýazy aýrylyşmak, köşeşmek. *Gün çykandan soň, howanyň aýazy gowşaşdy.* **3**. Gahary ýatyşmak, köşeşmek, peselişmek. *Birneme gowşaşan Annaty gapdalynda duran gyzy Ajaba çaý-suw aladasy bilen bolmagy tabşyrdy* ("Edebiýat we sungat"). **4**. Güýjüň, gurbuň gaçyşmak. *Kesel zerarly saglygy gowşaşypdyr.*

**GOWŞATMAK** [gowşotmok], *işl.* **1**. Berkligini öňkä garanda peseltmek, pugtalygyny kemeltmek. *Pälwanlar biri-biriniň bilindäki guşaklary gowşatdylar* (A. Nazarow). **2**. Depginini, tizligini, badyny peseltmek. *Biziň münüp barýan maşynymyz gök baglyga bürenip oturan şäherçäniň çetinden girdi-de, badyny birneme gowşatdy* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Kuwwatdan, güýçden gaçyrmak, ysgynsyzlandyrmak. *El ýalyjak kagyz meniň bütin süňňümi gowşatdy* (B. Kerbabaýew).

**GOWŞAÝYŞ** [gowşoýuş], *iş ady.* Gowşamak ýagdaýy, derejesi.

**GOWŞURMA** [gowşurmo], *iş ady.* Gowşurmak ýagdaýy.

**GOWŞURMAK** [gowşurmok], *işl.* **1**. Bir zady birine äkidip bermek; eltip bermek; tabşyrmak. **2**. *tikinç.* Ýerine eltip tikmek, sugşurmak. *Ol köýneginiň ýanyny aşyrysy bilen gowşurdy.*

**GOWŞURMAKLYK** [gowşurmokluk], *iş ady.* Gowşurmak ýagdaýy, täri.

**GOWŞURMAZLYK** [gowşurmozluk], *iş ady.* Gowşurmak işi amal edilmezlik, ýerine ýetirilmezlik.

**GOWŞURYLMAK** [gowşurulmok], *işl.* Bir zat birine berilmek, eltilip berilmek. *Oňa baýrak gowşuryldy.*

**GOWŞURYŞ** [gowşuruş], *iş ady.* Gowşurmak ýagdaýy, derejesi.

**GOWŞURYŞDYRMAK** [gowşuruşdurmok], *işl.* Eltilmeli zatlary äkidip berişdirip çykmak, eltip berişdirmek, tabşyryşdyrmak. *Sen alan kitaplaryňy gowşuryşdyr.*

**GOWŞUT**, *at.* **1**. Tärimleriň birigýän, sepleşýän ýeri, sepi. **2**. Oglana dakylýan at. **3**. Oba ady.

**GOWUJA** [gowujo], *syp.* Gelşikli, oňatja. *Bu otag gowuja ekeni.*

**GOWULAMA** [gowulomo], *iş ady.* Gowulamak ýagdaýy.

**GOWULAMAK** [gowulomok], *işl.* Gowy etmek, gowulandyrmak, oňatlandyrmak. *Kem-kemden gawunyň görnüşlerini gowuladyk* ("Türkmenistan").

**GOWULAMAKLYK** [gowulomokluk], *iş ady.* Gowulamak ýagdaýy, derejesi.

**GOWULANDYRMAK** [gowulonnurmok], *işl.* Öňki ýagdaýyndan oňatlandyrmak, öňküsinden gowy etmek.

**GOWULANDYRYLMAK** [gowulonnurulmok], *işl.* Öňki ýagdaýyndan gowy edilmek. *Iş haky artdyryldy we zähmet şertleri gowulandyryldy.*

**GOWULANMAK** [gowulonmok], *işl.* **1**. Öňki ýagdaýyndan gowy bolmak, ýagşylanmak, oňatlaşmak. **2**. Syrkawlykdan açylyşmak, sagalyşmak, bäri bakmak. *Näsagyň ýagdaýy gün-günden gowulandy.*

**GOWULAŞMAK** [gowuloşmok], *işl.* **1**. Öňki ýagdaýyndan gowy bolup başlamak, kadalaşmak. **2**. Syrkawlykdan açylyşmak, bäri bakyp ugramak, oňatlaşmak. *Näsagyň ýagdaýy gowulaşýar.*

**GOWULAÝYŞ** [gowuloýuş], *iş ady.* Gowulamak ýagdaýy, derejesi.

**GOWUL-ÇOWUL**, *at.* **1**. Gykylyk, galmagal, ses. *Bagda çagalaryň gowul-çowuly eşidilýärdi.* **2**. Bir hili aladaly hereket. *Olaryň gapysynda ir bilen gowul-çowul bardy.*

**GOWULYK** [gowuluk], *syp.* **1**. Gowy halda bolmaklyk, oňatlyk, ýagşylyk. **2**. Elbukja, içi el işli gotazlyja halta.

**GOWUR**, *at.* Galmagal, zenzele, gykylyk, gopgun, goh. *Mähelläniň gowry giň sähra siňip gidipdi* ("Türkmenistan").

**GOWURAK** [gowura:k], *syp.* **1**. Gowrak (känräk). Mukdar taýdan birneme köpräk, sähelçe köp. *Garaşsyzlyk ýyllary içinde türkmenistanlylaryň bir müňden gowragy mukaddes Käbä zyýarat edip, Hajy bolup geldiler* ("Türkmenistan"). **2**. Öňkä garanyňda has oňadrak. *Bu garpyzyň tagamy gowurak ekeni.* **3**. Köpräk, artygrak (wagt hakynda).

**GOWURDAK** [gowurdok], *at.* **1**. *ser.* **Gowurma** **2**. *Ol dessine gowurdak çykaryp, çaý çorba edindi.* **2**. Şäherçe ady.

**GOWURDAŞMAK** [gowurdoşmok], *işl.* Ýerli-ýerden gürleşip gowurdy turuzmak, gowur edişmek. *Duranlar ýerli-ýerden gowurdaşyp, geplemäge başladylar* (H. Derýaýew).

**GOWURDY**, *at, ser.* **Gowur**. *Myhmanlaryň arasynda gowurdy peýda boldy.*

**GOWURGA** [gowurğo], *at.* Gowrulan bugdaý dänesi, gowrulan bugdaý we künji gatyşdyrylyp taýynlanylýan tagam. *Ejesi gowurga etmäge oturýar* (Erteki).

◊ **Gowurga bolmak 1)** bir zat, waka sebäpli gynanmak, ýanyp-bişmek, bir zat zerarly örtenmek. **2)** gaty gowrulmak, gaty bolmak, gatalmak. *Et gowrulyp gowurga bolupdyr.* **Gowurgam gatdy etmek** biri bilen belli bir derejede bir zat goşup, bir paý bolmak. *– Olaryň seň bilen gowurgam gatdy edibilseler armanlary barmy – diýip, Atanyýaz sözüni dowam etdirdi* (Ý. Mämmediýew).

**GOWURMA** [gowurmo], **1**. *iş ady.* Gowurmak ýagdaýy. **2**. Ownuk dogralan eti ýagda gowrup taýýarlanylýan taýýar iýmit. *Olar gowurmadan doýup gyşardylar* (B. Seýtäkow).

**GOWURMAK** [gowurmok] **I**, *işl.* **1**. Eti, kartoşkany we ş.m. zady ýaga daglap bişirmek. **2**. Gyzgyny, howry bilen ýandyrmak, köýdürmek, ýakmak. *Günüň gyzgyny ähli otlary gowurdy.*

**GOWURMAK** [gowurmok] **II**, *işl.* Agzyny ýüp ýa-da ýüplük bilen büzmek, daraltmak (çaryk, telpek we ş.m. hakynda). *Telpeginiň etegini gowurmak.*

**GOWURMAKLYK** [gowurmokluk] **I**, *iş ady.* Gowurmak ýagdaýy, işi.

**GOWURMAKLYK** [gowurmokluk] **II**, *iş ady.* Gowurmak ýagdaýy, büzmek usuly.

**GOWURMAZLYK** [gowurmozluk], *iş ady.* Gowurmak işi amal edilmezlik.

**GOWURMYŞLAMAK** [gowurmuşlomok], *işl.* Birneme gowurmak, bişer derejede tendirmek, çala gowurmak. *Ony hökman ýagda gowurmyşlamak gerek.*

**GOWURTMAK** [gowurtmok] **I**, *işl.* Gowurmagy birine etdirmek. *Gowurga gowurtmak. Et gowurtmak.*

**GOWURTMAK** [gowurtmok] **II**, *işl.* Agzyny büzdürmek, daraltdyrmak. *Telpegiň giň bolýar, onuň etegini gowurtmak gerek.*

**GOWUŞGYN** [gowuşğun], *at.* Bir işi, hereketi ýerine ýetirmek üçin ykjamlyk, çemelilik, oňaýly ýagdaý. *Egnim güpbüli bolansoň, bir hili gowuşgynym ýok.*

**GOWUŞGYNLY** [gowuşğunly], *syp.* Gowuşgyny bar bolan, ykjam, çemeli, oňaýly.

**GOWUŞGYNLYLYK** [gowuşğunluluk], *at.* Ykjamlylyk, çemelilik, oňaýlylyk.

**GOWUŞGYNSYZ** [gowuşğunsuz], *syp.* Gowuşgyny bolmadyk, ykjam, gabyl däl. *Uly wezipäniň başynda duran adamyň özi gowuşgynsyz bolsa, iliň weji bolmaýany hak* ("Edebiýat we sungat").

**GOWUŞGYNSYZLYK** [gowuşğunsuzluk], *at.* Gowuşgynsyz halda, ýagdaýda bolmaklyk, oňaýsyzlyk, gabylsyzlyk. *Ol basgançakdan gowuşgynsyzlyk bilen düşdi.*

**GOWUŞMA** [gowuşmo], *iş ady.* Gowuşmak ýagdaýy.

**GOWUŞMAK** [gowuşmok], *işl.* **1**. Iberilen, ýollanan zat öz eýesiniň eline düşmek, iberilen ýerine ýetmek, gelip ýetmek. **2**. Duşmak. **3**. Tanyşmak, duşuşmak. *Iki söýgi gowuşyp, Seniň gapyňa geldik* (A. Alamyşow).

**GOWUZ**, *syp.* Doly däl, egsik, azaldylan, üstünden aýrylan.

**GOWUZLYK** [gowuzluk], *at.* Doly dällik, egsiklik. *Haltalaryň arasynda agzy-burny bilen gözelenleri-de, gowuzlygy zerarly boglanlary-da bardy.*

**GOWY**, *syp.* Oňat, ýagşy, mazaly, ajap, erbet däl.

◊ **Gowy görmek** eý görmek, söýmek, halamak. *Türkmenler myhmany gowy görýär*.

**GOWZADYLMAK** [gowzodulmok], *işl.* Gowuz edilmek, üstünden aýrylyp azaldylmak, egsidilmek. *Çuwallar gowzadyldy*.

**GOWZADYŞDYRMAK** [gowzoduşdurmok], *işl.* Biri-biriniň yzyndan gowzatmak, ujundan, üstünden aýryşdyrmak, egsişdirmek.

**GOWZADYŞMAK** [gowzoduşmok], *işl.* Gowzatmaga kömek etmek, bilelikde gowzatmak. *Ol bugdaýly haltalary gowzadyşdy.*

**GOWZAMA** [gowzomo], *iş ady.* Gowzamak ýagdaýy.

**GOWZAMAK** [gowzomok], *işl.* **1**. Gabyň içindäki zat azalmak, egsilmek. *Unly çuwal birneme gowzapdy.* **2**. *göç.m.* Ýüregiň birneme köşeşmek, arkaýynlaşmak, rahatlanmak. *Onsoň ýüregi gowzap, birneme rahatlandy*. **3**. *göç.m.* Märeke, mähelle birneme azalmak. *Toýuň märekesi gowzap başlady*.

**GOWZAMAKLYK** [gowzomokluk], *iş ady.* Gowzamak ýagdaýy, derejesi.

**GOWZATDYRMAK** [gowzotdurmok], *işl.* Gowzatmak işini birine etdirmek.

**GOWZATMAK** [gowzotmok], *işl.* Doly ýagdaýyndan azaltmak, ujundan, üstünden birneme aýyrmak, egismek. *Ol onuň ýagly küýzesini gowzatdy* (B. Kerbabaýew).

**GOWZAÝYŞ** [gowzoýuş], *iş ady.* Gowzamak ýagdaýy.

**GOÝ**, **1**. Işlik bilen gelende, bir zat bilen ylalaşmagy, buýruk bermegi aňladýan bölek söz. *Goý, gelse gelsin. Goý, ol işe gitsin.* **2**. "Tapawudy ýok, barybir" ýaly manyda ulanylýan bölek söz. *Närazylyk, goý, kimden çyksa çyksyn, bizden çykmasyn* (B. Kerbabaýew).

**GOÝAG** [goýoğ], *at.* Elguşuň iýen tüýli hamyny gaýtaryp agzyndan çykaran görnüşi, gusugy.

**GOÝAK** [goýok], *at,* Deňiz guşlarynyň dökün üçin ulanylýan çöri.

**GOÝALDYLMAK** [goýoldulmok], *işl.* Goýy edilmek, suwuk haldan goýy hala geçirilmek.

**GOÝALMAK** [goýolmok], *işl.* **1**. Suwy çekilip, azalyp, goýy bolup başlamak. *Toşap gaýnadygyça goýalýardy*. **2**. Öňki derejesinden galňamak, dykyzlanmak, galyň bolmak (bulut, ümür we ş.m. hakynda). *Duman barha goýalýardy.*

**GOÝALTMAK** [goýoltmok], *işl.* Suwuny çekdirip, goýy hala, ýagdaýa öwürmek, goýy etmek. *Toşaby goýaltmak. Mürepbäni gaýnadyp goýaltmak*.

**GOÝALYŞMAK** [goýoluşmok], *işl.* Suwy çekilişip, azalyşyp, öňküsinden birneme goýalmak, goýy bolup başlamak. *Semeni goýalyşyp başlapdyr*.

**GOÝAZY** [goýozy], *syp.* Salykatly, asylly, goýry. *Daýy ugruna çekse, goýazy bolmalydyr* (B. Kerbabaýew).

**GOÝAZYLANMAK** [goýozulonmok], *işl.* Salykatly bolmak, asyllanmak, akyllanmak. *Ol has goýazylanypdyr*.

**GOÝAZYLYK** [goýozuluk], *at.* Salykatlylyk, asyllylyk.

**GOÝAZYRAK** [goýazura:k], *syp.* Öňküsinden az-kem goýazy. *Öňkülerine garanda özi bir hili goýazyrak ýalydy* (B. Kerbabaýew).

**GOÝBERIBERMEK** [goýverivermek], *işl.* Yzly-yzyna goýbermek, tutup duran zadyňy birden sypdyrmak.

**GOÝBERILMEK** [goýverilmek], *işl.* **1**. Paýlanmak, berilmek, ýaýradylmak. *Pagta we däne ýetişdirmäge goýberilýän serişdeler.* **2**. Çykarylmak, sürülmek. *Mallar meýdana goýberildi*. **3**. Girmäge rugsat edilmek. *Birinji jaňdan soň tomaşaçylar zala goýberildi*. **4**. Akdyrylmak, böwedi ýazdyrylmak. *Üzümli haýata suw goýberildi*. **5**. Neşir edilmek, çap edilmek. *Hekaýa dolulygyna gazetde goýberildi*. **6**. Ýaryşa salynmak, goşulmak. *Ula goýberilen bedewler turuwbaşdan ýoly külterläp ugradylar* ("Türkmenistan").

**GOÝBERIŞ** [goýveriş], *iş ady.* Goýbermek ýagdaýy, derejesi.

**GOÝBERME** [goýverme], *iş ady.* Goýbermek ýagdaýy.

**GOÝBERMEK** [goývermek], *işl.* **1**. Kimdir birine bir ýere gitmäge, ugramaga rugsat bermek, ýol bermek. *Eneň-ataň seni şu gün teatra goýberermi?* **2**. Girmäge rugsat etmek, girizmek, salmak. *Derwezäni giňden açyp, atlylary içeri goýberdiler*. **3**. Ammar we ş.m. ýerden alyjylara her hili zat, haryt bermek. *Haryt goýbermek.* **4**. Meýdana çykarmak, sürmek. *Çal, tüýdügiň şatlasyn, Goýber goýnuň, otlasyn* (Halk döredijiliginden). **5**. Böwedi açyp akdyrmak, gulagy, böwedi ýazdyrmak, suw bermek. *Ol eken kelemine suw goýberdi.* **6**. Neşir etmek, çap etmek, çykarmak. *Onuň goşgusyny žurnalda goýberdiler.* **7**. Bir maksat bilen bir ýere ibermek, ýollamak, ugratmak, göndermek. *Hat ýazyp goýberdim*. **8**. Has aşakda ýerleşdirmek, labyryňy taşlamak, oturmak. *Ol özüni lampa oturgyja goýberdi-de, soňam dem aldy* (B. Kerbabaýew). **9**. Kemçilik, ýalňyşlyk gidermek. *Olar işde birneme ýalňyşlyk goýberipdirler*. **10**. Bejermek, sagaltmak maksady bilen gan we ş.m. guýmak. *Agyr ýaralylara gan goýberýärler.* **11**. Hal işligiň *-yp, -ip* goşulmasyny kabul eden işlikden soň *goýbermek* işligi gelip, täze manyly düzümli işlik ýasalýar: **Alyp goýbermek** bir zady birden almak. **Çyzyp goýbermek** çyzygy, çyzgyny birden çyzmak. **Guýup goýbermek** suwy, ýagy we ş.m. suwuk zady

birden guýmak. **Zyňyp goýbermek** daşy, kesegi we ş.m. birden zyňmak.

**GOÝBERMEKLIK** [goývermeklik], *iş ady.* Goýbermek ýagdaýy.

**GOÝBERMEZLIK** [goývermezlik], *iş ady.* Goýbermek işini amal etmezlik, ýerine ýetirmezlik, goýbermän saklamaklyk.

**GOÝBERTMEK** [goývertmek], *işl.* Goýbermek hereketini başga birine etdirmek.

**GOÝBOLSUN** [goývolsun]: **goýbolsun etmek** etjek bolýan işiňi näbelli bir wagta çenli goýmak, galdyrmak.

**GOÝDURMAK** [goýdurmok], *işl.* Goýmak işini başga birine etdirmek.

**GOÝMA** [goýmo], *iş ady.* Goýmak ýagdaýy.

**GOÝMAK** [goýmok], *işl.* **1**. Bir zady degişli ýerinde ýerleşdirmek. *Toýhanada seteram goýlan on sany baýdak aýlawyň sanyny görkezýän nyşandy* ("Türkmenistan"). **2**. Öňden edýän hereketiňi dowam etdirmän taşlamak, bes etmek, kesmek. *Olam nesýe goýun bermesini goýdy* ("Görogly"). **3**. Birini bir ýere bellemek, wezipä ýerleşdirmek. **4**. Käbir atlaryň yzyndan *goýmak* kömekçi işligi gelip, täze manyly düzümli işlik ýasalýar: **At goýmak** at bermek, at dakmak. **Hormat goýmak** hormatlamak. **Gol goýmak** gol çekip tassyklamak.

◊ **Goýar ýerde goýmazlyk** bir zady köp gaýtalamak, yzyny üzmän aýdyp durmak. – *Samahyllamaňy goýar ýerde goýmaýmadyň-la, indi beri bes edäý!* **Telpek goýmak** *ser*. **Telpek**. *Onuň gönümelligine, ak ýürekliligine telpek goýardylar* ("Edebiýat we sungat"). **Ýola goýmak** amala aşyrmak, durmuşa geçirmek. *Gatnaşyklary ýola goýmak. Işleri ýola goýmak. Tertibi ýola goýmak*.

**GOÝMAKLYK** [goýmokluk], *iş ady.* Goýmak ýagdaýy.

**GOÝMAZLYK** [goýmozluk], *iş ady.* Goýmak hereketini etmezlik, ýerine ýetirmezlik.

**GOÝRY**, *syp.* **1**. Gün düşmeýän goýy kölege, saýa. *Goýry kölegede birsalym seleňläýin diýip otyryn.* **2**. *ser.* **Goýy 2**. *Tamdyrdan çykan goýry tüsse bulut ýaly garalyp asmana galdy.*

**GOÝT-GOÝT**, *s. ş. aňl. söz.* Goýtuldap ýörelende emele gelýän şekil.

◊ **Goýt-goýt etme k***ser.* **Goýtuldamak**.

**GOÝTUK**, *syp.* Goýtuldap ýöreýän (gysga boýly semizje adam hakynda). *Goýtuk adam.*

**GOÝTULDAMA** [goýtullomo], *iş ady.* Goýtuldamak ýagdaýy.

**GOÝTULDAMAK** [goýtullomok], *işl.* Iki eliňi guşaklygyň aşak ýanynda saklap, ikibaka ýaýkanybrak gysgajyk ädimler bilen çalasyn ýöremek. *Goýtuldap bardy-da, derwezäniň bir tarapyny açdy* (B. Seýtäkow).

**GOÝTULDAMAKLYK** [goýtullomozluk], *iş ady.* Goýtuldamak ýagdaýy.

**GOÝTULDAÝYŞ** [goýtulloýuş], *iş ady.* Goýtuldamak ýagdaýy.

**GOÝTULDY** [goýtully], at. Goýt-goýt edip ýörelende emele gelýän şekiliň ady.

**GOÝULMAK** [goýulmok], *işl.* Bir ýerde ýerleşdirilmek.

**GOÝULTMAK** [goýultmok], *at.* Sygyr, goýun guzlandan soň, birinji günki süýdünden bişirilýän önüm. *Men sygrymy sagyp, goýultmak bişirdim* (A. Durdyýew).

**GOÝULYK** [goýuluk], *syp.* Goýy halda bolmak derejesi. *Süýdüň goýulygy.*

**GOÝUM**, *at.* Süýşürintgiler ýa-da döwlet bankynda saklamak üçin goýlan pul.

**GOÝUMÇY**, *at.* Goýum goýýan adam. *Bankyň goýumçylary köpelipdir.*

**GOÝUN I**, *at.* **1**. Goşa toýnaklylar maşgalasynyň süýdemdirijiler toparyndan bolup, süýt, ýüň, et üçin saklanýan öý haýwany. *Mesligi goýun göterer* (Nakyl). **2**. Müçe ýyl atlarynyň sekizinji ýylynyň ady, koý.

◊ **Goýun göz** garamtyl goňur göz. **Goýun iti 1)** kellesi ullakan, gulagy, guýrugy kesilen daýaw türkmen iti; **2)** goýun sürüsini ýyrtyjy haýwanlardan goraýan türkmen iti. **Goýun ýaly** ýuwaş, bet däl. *Goýun ýaly adam.*

**GOÝUN II**, *at, kön.s.* Gujak. *Düýşümde bir adamzat gelip, meniň goýnuma girdi* ("Görogly"). *Mätäjini sal goýnuňa, Teňňe dakyn döşleriňe* (Mätäji).

**GOÝUNÇY**, *at.* Goýun sürüsiniň yzyna düşýän, goýun sürüsi bilen öwrenişen (it, eşek we ş.m. hakynda). *Dogrusy, Garakelle bijaý goýunçy, gaty daýaw itdi* (B. Annageldiýew).

**GOÝUNÇYLYK** [goýunçuluk], *at, gepl. d., ser.* **Goýundarçylyk**.

**GOÝUNDAR** [goýunna:r], *at.* Goýundarçylyk boýunça hünärli adam, goýundarçylyk bilen meşgullanýan adam. *Goýundarlaryň güýzki aladalary özlerine ýetikdi.*

**GOÝUNDARÇYLYK** [goýunna:rçylyk], *at.* Oba hojalygynyň goýunlary ösdürip ýetişdirmek bilen meşgullanýan pudagy. *Türkmenistan garaköli goýundarçylygyň esasy mekanydyr*.

**GOÝUNGUŞ** [goýunğuş], *at.* Kiçijik alaja guş.

**GOÝUN-GUZY** [goýun-ğuzy], *at.* Goýun we guzularyň umumy ady. *Suwa çozýan goýun-guzulara höwes bilen seretdi* (B. Pürliýew).

**GOÝUŞ**, *iş ady.* Goýmak ýagdaýy, goýup biliş derejesi.

**GOÝUŞDYRMAK** [goýuşdurmok], *işl.* Goýup çykmak, birnäçe zady ýerli-ýerinde goýmak. *Iýer-içer ýaly zatlary myhmanyň öňünde goýuşdyrmak*.

**GOÝUŞMAK** [goýuşmok], *işl.* **1**. Goýmaga kömek etmek. **2**. Bilelikde goýmak (*goýuşmak* işliginden soň *ýörmek* işligi getirilip ulanylýar). *Olar gap-gaçlary ýerbe-ýer goýşup ýördüler*.

**GOÝY**, *syp.* **1**. Suwuk däl, soguşyp duran. *Pişegiň zarbasyndan ýanlyk ýarylara gelip, goýy gatyklar suwaşyp, aýrana aýlanyp, ýagy ýeljikläp, ýüzüne galmaga başlady* (H. Derýaýew). **2**. Galyň, aňyrsy görünmeýän (tüsse, bulut, tozan hakynda). *Ýaşyl ýalynly goýy gara tüsse asmana göterildi* (N. Pomma). **3**. Gün düşmeýän, goýry. *Goýy kölege*.

**GOZA** [go:zo], *at.* **1**. Gowaçanyň heniz açylmadyk hoz şekilli düwünçegi. **2**. *zergärç.* Aýallaryň saça dakýan kümüş şaýy.

**GOZAK** [gozok], *at.* **1**. Içinde taranyň gülesini aýak bilen herekete getirmek üçin üzeňňi ýerleşýän ini iki garyş, uzynlygy dört garyş töweregi çukur. *Melikäniň okuwyndan gelerine mähetdel, onuň öňünde ýa keşde, ýa gozak elmydama taýyndy* (T. Gurbanow). **2**. *gepl.d.* Üç tigirli motosikliň gapdalynda oturylýan goşmaça ýer.

**GOZALAMA** [go:zolomo], *iş ady.* Gozalamak ýagdaýy.

**GOZALAMAK** [go:zolomok], *işl.* Gowaça goza emele getirmek *Gowaçalar gozalaýar.*

**GOZALAMAKLYK** [go:zolomokluk], *iş ady.* Gozalamak ýagdaýy.

**GOZALAÝYŞ** [go:zoloýuş], *iş ady.* Gozalamak ýagdaýy.

**GOZGALAŇ** [go:zğoloň], *at.* **1**. Öz bähbitleriňi goramak üçin köpçülikleýin ýaragly çykyş. **2**. Howsala, ynjalyksyz hereket, galagoplyk. *Öýdäki oturanlar olary görüp, gozgalaň tapdy* (N. Pomma).

◊ **Gozgalaňa düşmek** aladaly, howsalaly, ynjalyksyz ýagdaýda bolmak. **Gozgalaňa salmak** ynjalyksyzlandyrmak, tolgundyrmak.

**GOZGALAŇÇY** [go:zğoloňçy], *at.* Gozgalaňa gatnaşyjy.

**GOZGALAŇLY** [go:zğoloňly], *syp.* Howsalaly, aladaly, galagoply, ynjalyksyz.

**GOZGALMAK** [go:zğolmok], *işl.* **1**. Ýerinden üýtgedilmek, ellenmek. *Ol öýe gelende, zatlarynyň gozgalandygyny bildi*. **2**. Bir zat, mesele hakynda gürrüň edilmek, agzalmak. *Awtor täze eserlerinde öňki kitabyndaky gozgalan gürrüňi dowam etdirýär* (N. Jumaýew). *Ýygnakda tertip-düzgün meselesi ýene gozgaldy.*

**GOZGAMA** [go:zğomo], *iş ady.* Gozgamak ýagdaýy.

**GOZGAMAK** [go:zğomok], *işl.* **1**. Itip, süýşürip ýerini üýtgetmek, süýşürmek, jaýyndan, ornundan gymyldatmak; göçürmek. **2**. Bir zat ýa-da mesele hakynda gürrüň açmak, agzamak. *Ybraýym ýatan gürrüňi ýene gozgady* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Täsir etmek, galkyndyrmak. *Deň-duşlaryň şagalaňly sesleri, Gozgap meni, pugta çekdi özüne* (J. Ilmyradow). **4**.*göç.m.* Gaýtalamak, gaýtadan tutmak (kesel, tutgaý hakynda).

**GOZGAMAKLYK** [go:zğomokluk], *iş ady.* Gozgamak ýagdaýy.

**GOZGAMAZLYK** [go:zgomozluk], *iş ady.* Gozgamak hereketini etmezlik, ýerine ýetirmezlik, gozgap durmazlyk.

**GOZGANJYRAMAK** [go:zğonjuromok], *işl.* Oturan ýeriňden turjak bolup gymyldamak, galmakçy bolmak, çalarak gozganmak. – *Onda rugsat berseňiz, men gideýin, wagt az galypdyr – diýip, ýerinden gozganjyrady* (G. Kulyýew).

**GOZGANMAK** [go:zğonmok], *işl.* Ýeriňden süýşmek, turjak ýa-da ýörejek bolmak, gymyldamak, ornuňy üýtgetmek. *Ol ýerinden gozgandy.*

**GOZGANMAZLYK** [go:zğonmozluk], *iş ady.* Gozganmak hereketini etmezlik.

**GOZGANYŞMAK** [go:zğonuşmok], *işl.* Bilelikde gozganyp başlamak, gymyldaşmak. *Olar iki göwünlilik bilen gozganyşdylar* (Ý. Mämmediýew).

**GOZGAŞDYRMAK** [go:zğoşdurmok], *işl.* Birnäçe zady, meseläni gozgap çykmak.

**GOZGAŞMAK** [go:zğoşmok], *işl.* Gozgamaga, süýşürmäge kömek etmek.

**GOZGATMAK** [go:zğotmok], *işl.* **1**. Bir zady duran ýerinden üýtgetmek, süýşürmek. **2**. Oturan adamy ýerinden galdyrmak, turuzmak. *Kellesi gürrüňe gyzansoň, ony ýerinden gozgatmak aňsat däl bolsa gerek.*

**GOZGAÝYŞ** [go:zğoýuş], *iş ady.* Gozgamak ýagdaýy, gozgap biliş derejesi.

**GÖBE** [gö:vö], *at, senetç.* Köwüş ussalarynyň tikini endiganlamak, ýylmamak we ş.m. üçin ulanýan bir ujy ýasy, beýleki ujy tutawaçly guraly.

**GÖBEGENE** [gö:vöğene], *at.* Ýaňy bolan çaganyň göbegini kesen aýal.

**GÖBEGENELIK** [gö:vöğenelik], *at.* Göbegene bolmaklyk, göbegenelik ýagdaýy. *Göbegenelik etmek.*

**GÖBEK** [gö:vök], *at.* **1**. Adamyň ýa-da haýwanyň çaga düwünçegi bilen enäniň bedenini birleşdirýän hem-de şol düwünçegiň iýmitleniş ýoly bolup hyzmat edýän içege turbajygy. **2**. Garnyň ortasyndaky içege turbajygy kesilenden soň galan düwün, içege düwnüniň yzy. **3**. Pökginiň, maşyn tigirleriniň içgisiniň ýel berilýän ýeri, turbajygy. *Pökginiň göbegi.* **4**. Kömelegiň telpeginiň astyndaky süýri düýbi, uzynja bölegi. *Kömelegiň göbegi*. **5**. Gülýakanyň arka ýüzündäki köýnegiň ýakasyndaky halka ildirilýän bölegi. *Gülýakanyň göbegi.* **6**. *göç.m.* Bir ýeriň edil merkezi, ortasy. *Garagumuň edil göbeginde*

*diýen ýaly guralan bu stoluň başynda her hili milletiň wekilleri otyrdy* (K. Berdiýew).

◊ **Göbegi çözülmek** halk tebipçiliginde çaganyň iç geçmesini saklamak üçin göbegini burup em etmek. **Göbeginiň gömlen ýeri** *ser.* **Göbek ganynyň daman ýeri.** *Her ýerde bolsamam göbegimiň gömlen ýeri, deň-duşlarym gözümiň öňünden gidenok* (R. Gelenow). **Göbegiň gömlen ýaly bolmak** bir ýerden hiç ýana gitmän oturmak. – *Näme, öýde göbegiň gömlen ýaly bolup otyrsyň, daş çyk!* **Göbek ganynyň daman ýeri** dogan ýeriň, eneden bolan ýeriň, dogduk mekanyň.

**GÖBEKLI** [gö:vöklü]: **erkek göbekli** erkek adam, erkek jynsyna degişli adam.

**GÖBEKLIK** [gö:völdük], *at.* **1**. Göbegiň töweregi, göbegiň gapdallary. **2**. *zergärç.* Ýokarsy üçburç, aşagy hem gönjük ýaly, üsti gaşly, aýallaryň gursagyna bezeg üçin dakynýan kümüş şaýy.

**GÖÇ**, *at.* **1**. Öý-öwzarlaryny, goş-golamlaryny ulaglara ýükläp, maşgalasy bilen bir ýerden başga bir ýere göçüp barýan ýolagçylar. *Bir eşek garyp elinde, Göç bolanda nere meňzär* (Zelili). **2**. Küşt, düzzüm ýaly oýunlarda oýunçynyň bir gezek edýän göçümi, göçeri. *Bäsdeşler jemi 61 göçüm etdiler.*

◊ **Göç etmek** aradan çykmak, ölmek, ýogalmak, aýrylmak, dünýeden gaýtmak, ýurduny täzelemek. **Göçüň geçmek** gaty howlukmak, gyssanmak. – *Näme, göçüň geçip barýarmy, beýle gaty howlugýaň?* **Iki göçde bir talaň** "göçüp-gonup ýörmek agyr zat, talanmaň bäri ýany zat" diýen manyda ulanylýan aňlatma.

**GÖÇEGÇI** [göçöğçü], *at.* Bir ýerden ikinji ýere göçýän, göçe gatnaşýan adam. *Bolup barşy edil basgyda galan göçegçä meňzeýär* ("Görogly").

**GÖÇEGÇILIK** [göçöğçülük], *at.* Göçegçiniň ýagdaýy; göçüp-gonup ýörüjilik.

**GÖÇE-GÖÇ** [göçö-göç], *at.* Ondan-oňa köpçülikleýin göçüş, göç-hä-göç. *Göçe-göç eýledi göwün kerweni, Göç, Öwezim, dolanaly daglara* ("Görogly").

**GÖÇE-GÖÇLÜK** [göçö-ğöşlük], *at.* Göçüp-gonup ýörmeklik, göçüşlik, göçhä-göçlük.

**GÖÇER** [göçör], *at, ser.* **Göç**. **2**. *Onuň pikiri bulaşany üçin, göçeriň kimdendigine-de garaman, pilini göçdi.*

**GÖÇGÜN** [göçğün], *at.* Bady belent, joşgunly, galkynan. *Göwni göçgün Begenç aýdyma nähili başlanyny hem duýmady* (B. Kerbabaýew).

◊ **Göçgün adam** tiz gahary gelýän, tiz gyzýan adam.

**GÖÇGÜNLI** [göçğünlü], *syp.* **1**. Keýpi tiz göterilýän, kellesi tiz gyzýan. **2**. Batly, haýbatly, şowhunly, dabaraly. *Bagşynyň göçgünli sesi howany ýaňlandyrdy.*

**GÖÇGÜNLIK** [göçğünlük], *at.* Göçgün halda bolmaklyk, göçgüne has bolan häsiýet.

**GÖÇHÄ-GÖÇ** [göçhä:-ğöç], *at, ser.* **Göçe-göç**.

**GÖÇHÄ-GÖÇLÜK** [göçhä:-ğöşlük], *at, ser.* **Göçe-göçlük**.

**GÖÇME** [göçmö], **1**. *iş ady.* Göçmek ýagdaýy. **2**. Göçüp-gonup ýören, oturymly däl. *Olar göçme çarwaçylykdan maldarçylyga geçipdirler.* **3**. Wagtlaýynça bir ýerde gurlan ýa-da bir ýere eltilen, yzygiderli işlemän, aram-aram işleýän. *Meýdan düşelgeleriniň hemmesinde göçme kitaphana işleýär* ("Edebiýat we sungat").

**GÖÇMEK** [göçmök], *işl.* **1**. Ýaşaýan ýeriňi üýtgetmek, bir ýerden başga bir ýere ýaşamak üçin gitmek. **2**. Oturýan ýeriňi üýtgetmek, başga ýere geçmek. *Sen näme, ondan-oňa göçüp ýörsüň?* **3**. Küşt, aşyratdy, düzzüm ýaly oýunlarda çöpi bir öýden başga bir öýe süýşürmek, göçüm etmek. **4**. Ýarylmak, partlamak, atylmak. *Tüpeň birden göçüp gitdi*. **5**. *göç.m.* Göterilmek, gyzmak. *Götergilendigiň göçüp ugraýaň-la!?.*

**GÖÇMEKLIK** [göçmöklük], *iş ady.* Göçmek ýagdaýy.

**GÖÇMEZLIK** [göçmözlük], *işl.* **1**. Ýaşaýan ýeriňi üýtgetmek üçin gitmezlik. **2**. Ýaragyň ýa-da okuň nähilidir bir nogsany, kemi sebäpli, mäşäni gysanyňda atylmazlyk.

**GÖÇÜLMEK** [göçülmök], *işl.* Ýaşamak üçin başga ýere gidilmek. *Şäherde täze jaýlara köpçülikleýin göçülip, toý tutulýar.*

**GÖÇÜM**, *at, ser.* **Göç**. **2**. *Garşydaşlar her bir göçüm üçin köp wagtlaryny sarp etdiler.*

**GÖÇÜP-GONMAK** [göçüp-gonmok], *işl.* Bir ýerden ikinji bir ýere göçmek, bir ýerde mekan tutman, birsyhly ondan-oňa göçüp ýörmek.

**GÖÇÜRILMEK** [göçürülmök], *işl.* **1**. Ýaşaýan ýeri üýtgedilmek, başga ýerde ýaşar ýaly edilmek. **2**. Gögerip oturan ýeri üýtgedilmek. *Kelem şitilleri ýaňy göçürildi.* **3**. Ozal ýazylgy hat başga kagyza ýazdyrylmak, geçirilmek. *Nyýazguly oňa meşhur türkmen şahyrynyň goşgulary göçürilen depderi uzatdy* ("Edebiýat we sungat").

**GÖÇÜRIŞ** [göçürüş], *iş ady.* Göçürmek ýagdaýy.

**GÖÇÜRIŞDIRMEK** [göçürüşdürmök], *işl.* **1**. Kem-kemden ählisini göçürmek, yzly-yzyna göçürip çykmak. **2**. Gögerip oturan ýerinden başga ýere eltip oturdyşdyrmak. *Men pomidor şitillerini göçürişdirdim.* **3**. Ozalky ýazylgy haty bolşy ýaly edip başga kagyza geçirişdirmek, ýazyşdyrmak. *Men oňa goşgulary göçürişdirip berdim.*

**GÖÇÜRIŞMEK** [göçürüşmök], *işl.* Göçürmäge kömek etmek. *Şu oglanlar sizi göçürişmäge gelipdirler. Şitilleri göçürişmek. Gülleri göçürişmek. Hat göçürişmek.*

**GÖÇÜRME** [göçürmö], **1**. *iş ady.* Göçürmek ýagdaýy. **2**. *at.* Resminamanyň asyl nusgadan göçürilen görnüşi.

**GÖÇÜRMEK** [göçürmök], *işl.* **1**. Öňki ýaşaýan ýerinden başga ýerde ýaşatmak, başga ýerde mekan tutdurmak, ýaşaýan ýerini üýtgetmek, göçmäge mejbur etmek. **2**. Gögerip oturan ýerini üýtgetmek, başga ýerde oturtmak. *Sapa şitili öýüň ýanyndaky kiçijik atyza göçürmegi ýüregine düwdi* (N. Esenmyradow). **3**. Ozal ýazylgy haty bolşy ýaly edip başga kagyza ýazyp geçirmek. *Onuň hatyny gyssagarada birnäçe ýerden göçürdiler.* **4**. *gepl. d.* Durmuşa çykarmak, äre bermek. *Ogly bolan öýerermiş, gyzy bolan göçürermiş* ("Kitaby dädem Gorkut"). *Gyz göçürmek.*

**GÖÇÜRMEKLIK** [göçürmöklük], *iş ady.* Göçürmek ýagdaýy, işi.

**GÖÇÜRMEZLIK** [göçürmözlük], *iş ady.* Göçürmek işini amal etmezlik, ýerine ýetirmezlik.

**GÖÇÜRTMEK** [göçürtmök], *işl.* Göçürmek işini başga birine etdirmek, göçürmäge mejbur etmek; göçürmäge mümkinçilik bermek. *Bagbanlara gülleri göçürtmek. – Sen maňa algebradan öý işini göçürdermiň?*

**GÖÇÜŞ**, *iş ady.* Göçmek ýagdaýy.

**GÖDEGRÄK** [gödöğrä:k], *syp., ser.* **Gödeksi**.

**GÖDEK** [gödök], *syp.* **1**. Görnüşi betgelşik, tagaşyksyz, gelşiksiz. *Gödek göwre.* **2**. Sypaýyçylyksyz, edepsiz, batnyksyz, ýakymsyz, medeniýetsiz. *Özüm gödek bolamsoň, oýnum-da gödek bolaýýar* (N. Pomma). *Gödek sorag.* **3**. Hiç bir zada eli gelişmeýän, usulsyz, başarnyksyz, çemesiz. **4**. Oglana dakylýan at.

**GÖDEKLEÇ** [gödöklöç], *syp., ser.* **Gödeksi**. *Gödekleç ses.*

**GÖDEKLIK** [gödöklük], *at.* **1**. Betgelşiklik, tagaşyksyzlyk, gelşiksizlik. **2**. Sypaýyçylyksyzlyk, edepsizlik, medeniýetsizlik. *Özüň bilýäň, gardaş, meniň gödekligim bar-da.* **3**. Usully dällik, başarnyksyzlyk, çemesizlik, gödeksilik. *Sen öz gödekligiň bilen ol neressäniň aýagyny agyrtdyň.*

**GÖDEKSI** [gödöksü], *syp.* Gödegräk, sypaýyçylyksyz, edepsiz, medeniýetsiz. *Ýaşuly ýaş ýigide gödeksi garanyndan soň, ol geplemedi.*

**GÖDENSIZ** [gödönsüz], *syp.* Betgelşik, tagaşyksyz, gelşikli däl. *Gödensiz gaýyş köwüş.*

**GÖGEBAKAR** [gö:gövakar], *at.* Uzyn boýunly, göge seredip oturýan guş.

**GÖGEL** [gö:ğöl], *at.* Guw guşynyň mäkiýany.

**GÖGELE** [gö:ğölö], *syp.* **1**. Heniz gowy bişmedik, çala bişen, ala gök (iýmiş hakynda). *Gögele erik.* **2**. *göç.m.* Agzyndan süýt ysy gitmedik, kemala gelmedik, agzy sary (oglan hakynda). *Gögele oglan.*

**GÖGERÇIN** [gö:ğörçün], *at.* Gögümtil-çal reňkli meýdan kepderisi.

**GÖGERIŞ** [gö:ğörüş], *iş ady.* **1**. Gögermek ýagdaýy. *Sepilen tohumlaryň gögerişi nähiliräkkä?* **2**. *at.* Gögermek derejesi. *Gowaçadan gowy gögeriş gazanmak.*

**GÖGERIŞMEK** [gö:ğörüşmök], *işl.* Kem-kemden köpçülikleýin gögerip başlamak, yzly-yzyna gögermek. *Daň ýyldyz ýokary galdygyça, gögerişip oturan çöp-çalamlar görnüşip başlady.*

**GÖGERME** [gö:ğörmö], *iş ady.* Gögermek ýagdaýy.

**GÖGERMEK** [gö:ğörmök] **I**, *işl.* **1**. Ýere taşlanan tohumdan şine ýaryp, ösüp, ýeriň ýüzüne çykmak, baldak çykarmak, ösüp başlamak. *Kärendeçileriň irki ekiş geçiren atyzlarynda şugundyr gögerip başlady* ("Türkmenistan"). **2**. *göç.m.* Bir ýerde dikilen ýaly peýda bolmak, häzir bolmak, taýýar bolup durmak. *Özüňden uly adam "hany, pylany" diýende, derrew şol ýerde gögermelidigiňi bilginiň.*

**GÖGERMEK** [gö:ğörmök] **II**, *işl.* **1**. Gök reňke öwrülmek, gök öwüsmek, gök bolmak. *Onuň ýüzi dalak ýaly gögerdi.* **2**.Teniňe zarba düşüp, gan öýmek, gök nil bolmak. *Eliniň damarlary gögerdi.* **3**. Zaýalanmak, harap bolmak. *Et birneme gögeripdir.*

**GÖGERMEZLIK** [gö:ğörmözlük] **I**, *iş ady.* Gögerip çykmazlyk.

**GÖGERMEZLIK** [gö:ğörmözlük] **II**, *iş ady.* Gök reňke geçmezlik; gök öwüsmezlik; gök-nil bolmazlyk.

**GÖGERTMEK** [gö:ğörtmök] **I**, *işl.* **1**. Tohum aldyrmak, düýp tutdurmak, ösdürmek. *Okuwçylar bu almalary suw guýup gögertdiler.* **2**. *gepl.d.* Harydy degerli bahasyndan gymmat, ýokary satmak. *Sen halyny gowy satdyň, gögerdip bildiň.* **3**. *göç.m.* Birini barmaly ýerine bada-bat eltmek, dikmek. **6**. Öz islegiňe görä hereket etdirmek, aýdanyňy etdirmek. *Aýaly adamsyna diýenini gögertdi.*

**GÖGERTMEK** [gö:ğörtmök] **II**, *işl.* **1**. Gök reňke öwürmek, göge boýamak. **2**. Teniň bir ýerini gan öýdürmek, gök salmak. *Ol ýykylyp, dyzyny gögertdi.*

**GÖGEÝIN** [gö:ğöýün], *at.* Özüniň awuly iňňesi bilen haýwanlary çakýan we olaryň ganyny sorýan uly gök siňege meňzeş ganatly möjejik.

**GÖGRÄK** [göğüräk], *syp.* Reňki göge ýakyn; beýlekä göra has gök reňkli.

**GÖGÜMTIL** [gö:ğümtül], *syp.* Çala gök öwüsýän, gögräk, göge ýakyn. *Gögümtil ýüpek köýnek.*

**GÖH** [gö:h]: **göhi gelmek** keýpi gelmek, keýplenmek, begenmek, şatlanmak, hezil etmek, keýpiň tutmak. *Gepläre täze gep tapsa, gepçileriň göhi gelýär.*

**GÖHERT** [göhört], *at.* **1**. Inerden gaýan, arwanadan bolan ýa-da bugradan gaýan, maýadan bolan düýäniň erkegi. **2**. *göç.m.* Gödek, ämärt. *Görýän welin, siz-ä göhert ekeniňiz!*

**GÖJEK** [göjök], *at.* Toýnukly rezin ýaýa salyp atmak üçin palçykdan ýasalyp guradylan togalajyk şarjagaz, güjeň.

**GÖJELE** [göjölö], *at.* Togalajyk kösükli, süýri ýaprakly, gumda bitýän otjumak ösümlik.

**GÖK** [gö:k] **I**, *syp.* **1**. Asman, deňiz reňkindäki. *Gök mata.***2**. Ýaşyl renkli, ýaşyl öwüsýän; gögerip oturan, entek guramadyk (ösümlikler hakynda). *Gök ot. Gök ýorunja. Gök agaç.* **3**. Doly bişmedik, çig, hora, suwy süýjemedik (üzüm, erik we ş.m. hakynda). *Gök erik.*

◊ **Gök çaý** hemişe gök öwsüp oturan medeni ösümligiň ajysy aýrylyp guradylan ýapragy we şol ýapragyň üstüne gaýnag suw guýlup içilýän içgi. *Gök çaýyň başynda adamlar gürrüňe gyzdylar*. **Gök çüýşe ýaly** dup-dury, dury. *Guýynyň gök çüýşe ýaly suwy içmäge diýseň ýakymlydy.* **Gök dalak bolmak** üşemek, tutgaý we ş.m. zerarly bedeniň, teniň reňki üýtgemek, göm-gök bolmak. *Men ol çaganyň ertirden bäri gök dalak bolup ýatyşyna gynandym.* **Gök daş bolmak** *ser.* **Gök dalak bolmak**. *Gök daş bolan Myrat bir ýana ýykyldy.* **Gök ekin** iýmek üçin ekilýän gök otlaryň, hyýar-pomidor, kelem ýaly ekinleriň umumy ady. **Gök önüm** gök ekinlerden alynýan hasylyň, miweli agaçlaryň miwesiniň umumy ady. **Gök salmak** gögerip görünmek, gök öwüsmek. *Gumda gandym, çerkez, ýylgyn gök salýardy*.

**GÖK** [gö:k] **II**, *at.* Asman gözýetimindäki howa giňişligi, asman.

◊ **Gökden düşen ýaly bolmak 1)** hiç zatdan habarsyz bolmak, näbelet ýere düşüp, aňk-taňk bolmak. **2)** garaşylmadyk ýerde peýda bolmak, bir ýerden zompa çykmak. **Gökdäki dilegiň ýerde gowuşmak** edýän arzuwyňa aňsatlyk bilen ýetmek, tiz wagtda ýetmek, arzuwyň birdenkä berjaý bolmak.

**GÖK** [gö:k] **III**, *at.* **1**. *ser*. **Gök I: Gök ekin** hem-de **Gök önüm.** **2**. Şibit, ajytere ýaly ekilýän hem-de terligine iýilýän, şeýle-de, köplenç, ýörite ekilmeýän, ýazyň başynda ýetişýän ysmanak, balgaz, akselme ýaly bişirilip iýilýän otlar. *Gök bişirmek.* **3**. Oglana dakylýan at.

**GÖK** [gö:k] **IV**, *at.* Bogaz düýelerde köşegiň ösüşinde maddalaryň çalşygyny we iýmitlenmegini kadalaşdyrmak üçin hyzmat edýän agza (düýe botlandan soň düşýän bölek barda).

**GÖK-AK** [gö:ğ-a:k], *at.* Gök önümler we süýt-gatyk önümleri. *Oba gitsek, gök-ak ýetmezçiligini duýamzok*.

**GÖK-ALA** [gö:ğ-a:la], *at.* Tene zarba düşüp, gan öýmek zerarly emele gelen menekler.

**GÖKBOGMA** [gö:kboğma], *at.* Güýçli üsgülewük tutma bilen baglanyşykly ýokanç çaga keseli.

**GÖKBOGMALY** [gö:kboğmoly], *syp.* Gökbogma keseli degen, gökbogma keseli bilen kesellän. *Gökbogmaly çaga.*

**GÖKBÖRI** [gö:kbö:rü], *at, kön.s.* Birtopar atly bolup, owlagy alyp gaçyp, beýleki atlylardan saýlanyp bilmek oýny, owlakgapdy. *Bularyň öňlerinden gökböri çapyp ýören bir bölek atly peýda boldy* (Magrupy).

**GÖKÇÜLIK** [gö:kçülük], *at.* **1**. Oba hojalygyň bir pudagy, gök ekinleri ösdürip ýetişdirmek bilen meşgul bolýan gök ekerançylyk. **2**. Gök ekilen meýdan. *Gökçüligiň depesinden inen maşyny görkezdi.*

**GÖKDAMAK** [gö:kdamak] **I**, *at.* Alkymy gök, yssy wagtlarda çöplere çykýan hažžygyň bir görnüşi.

**GÖKDAMAK** [gö:kdamak] **II**, *at, ösüml.d.* Haşal otuň bir görnüşi.

**GÖKGABARÇYK** [gö:kga:varçyk], *at.* Aýaga, ele çykýan içi iriň gatyşykly gabarçyk.

**GÖKGARGA** [gö:kgarğa], *at.* Gök ýelekli garga.

**GÖKHOKAR** [gö:khokor], *at.* Injigi, çüňki, boýny uzyn gögümtil guş.

**GÖKLI** [gö:klü], *syp*. Ýaýylan hamyryň içine bişirilen gök – ysmanak, selme, semzek we ş.m. salnyp taýýarlanýan tagam. *Gökli gutap. Gökli börek*.

**GÖKLORS** [gö:klors], *at.* Iň güýçli zäherli gögümtil ýylan. *Ol göklors tutdy.*

**GÖKLÜK** [gö:klük], *at.* **1**. Ýetişen, bişen dällik, çiglik, horalyk. *Arpasyny göklügine ýygyp, goýnuna berdi*. **2**. Gök öwüsýän giden otluk ýer. *Siziň düýäňiz göklük ýerde otlap ýör.*

**GÖKMÜRRI** [gö:kmürrü], *at.* Paçagy gök öwsüp duran gawunyň bir görnüşi.

**GÖKSUWLY** [gö:ksuwly], *at.* Bişende-de gök görünýän üzümiň bir görnüşi.

**GÖKTORLY** [gö:ktorly], Paçagy gök, durşuna torly, iri gawunyň bir görnüşi.

**GÖL**, *üml.* Göläni kowmak üçin aýdylýar.

**GÖL** [gö:l], *at.* Haly, palas ýaly önümleriň ýüzüne salynýan esasy nagyş. *Döwletimiziň mukaddes gerbinde nepis halylarymyzyň gölleriniň ýerleşdirilmegi türkmen halysynyň abraýyny arşa göterdi* ("Türkmenistan").

**GÖLÇE** [gö:lçö], *at.* Halynyň kese gyrasyna salynýan kiçijik göl, göljagaz.

**GÖLE** [gölö], *at.* Sygryň, sugunyň heniz ýaşyna ýetmedik çagasy, tana, höjek.

**GÖLEG** [gö:löğ], *at.* Gölenýän jeset, jaýlanýan meýit, öli göwre.

**GÖLEGÇI** [gö:löğçü], *at.* Ölini jaýlamaga gatnaşýan, ýogalany jaýlap gelýän adam.

**GÖLE-GÖLE** [gölö-ğölö], *üml.* Göläni çagyrmak üçin aýdylýar.

**GÖLEK-GÖLEK** [gölök-ğölök], *üml., ser*. **Göle-göle**.

**GÖLEME** [gö:lömö], *iş ady.* Gölemek ýagdaýy.

**GÖLEMEK** [gö:lömök], *işl.* Ölini, ýogalany jaýlamak, ýere dulamak, ýerlemek.

**GÖLEMEKLIK** [gö:lömöklük], *iş ady.* Gölemek ýagdaýy, işi.

**GÖLENMEK** [gö:lönmök], *işl.* Jaýlanmak, dulanmak, ýerlenmek.

**GÖLERIŞ** [gö:lörüş], *iş ady.* Gölermek ýagdaýy.

**GÖLERIŞMEK** [gö:lörüşmök], *işl.* Birnäçesi gölermek, çäşerilişip ýatmak. *Ýatakdaky ýabylar gölerişip ýatyrdy*.

**GÖLERME** [gö:lörmö], *iş ady.* Gölermek ýagdaýy.

**GÖLERMEK** [gö:lörmök], *işl.* Aýaklaryny uzadyp, çäşerilip ölmek (haýwan hakynda). *Goýun gölerip ölüpdir.*

**GÖLERMEKLIK** [gö:lörmöklük], *iş ady.* Gölermek ýagdaýy.

**GÖLEÝIŞ** [gö:löýüş], *iş ady.* Gölemek ýagdaýy.

**GÖLÜG** [gölüğ], *at, kön.s.* Eşek, ulag. *Gölügi ýok ýüklenmäge, göçmäge* (Hatam şahyr).

**GÖMDÜRMEK** [gömdürmök], *işl.* Gömmek işini başga birine etdirmek. *Hapany gömdürmek.*

**GÖMELTEÝ** [gömöltöý], *syp.* **1**. Hile gatyşyksyz, gönümel, zoňtar. *Gömelteý adam.* **2**. Irimçik, gödeksi, näzik däl, tagaşyksyz. *Gömelteý barmaklar.* **3**. Göni aýdylan, hiç hili kinesi, hilesi, gaçalak-sapalagy bolmadyk (söz, iş we ş.m. hakynda*). Ol öz niýetini gömelteý mälim etdi* (B. Kerbabaýew).

**GÖMELTEÝLIK** [gömöltöýlük], *at.* **1**. Mekir dällik, gönümellik. **2**. Gödeksilik, tagaşyksyzlyk, näzik dällik. *Ol öz göwresiniň göräýmäge gömelteýligine garaman, örän çeper bolup, nepis haly dokaýardy* (B. Kerbabaýew).

**GÖMEÝ**[gömöý], *at, gepl.d.* Düýp-teýkar, düýp, kök. *Diliňi saklamasaň, gömeýinden sogurdarsyň.*

**GÖM-GÖK** [göm-ğö:k], *syp.* Örän gök, juda gök. *Töweregiň göm-gök görnüşi göwnüňi açýardy.*

**GÖMI** [gömü], *at.* Ujuna daş, demir we ş.m. berkidilip, ýere gömülýän we gazyk deregine ulanylýan zynjyr.

◊ **Gömi ýaly** öýünden çykman oturan (adam hakynda)

**GÖMME** [gömmö], **1**. *iş ady.* Gömmek ýagdaýy. **2**. *at.* Gora gömlüp bişirilýän çörek. *Gömme çörek.*

**GÖMMEK** [gömmök], *işl.***1**. Bir zadyň üstüni gum we ş.m. zatlar bilen örtmek, ýeriň astyna salmak, üstüni gum bilen basyrmak. **2**. Oý, çukur ýerleriň içini gumdan dolduryp, üstüni düzlemek, üstüne gum sürmek. *Ýaby gömmek. Guýyny gömmek. Çukury gömmek.* **3**. *gepl.d.* Jaýlamak, dulamak.

**GÖMMEKLIK** [gömmöklük], *iş ady.* Gömmek işi.

**GÖMÜK**, *syp.* **1**. Üsti gum bilen örtülen, gömlüp goýlan, gum bilen basyrylan, gömlen. **2**. *göç.m.* Hiç zatdan başy çykmaýan, hiç zat bilmeýän, kör, nadan. **3**. *göç.m.* Bagly, ýapyk, petik. *Töwerek-daşyňyz gömük eken.*

**GÖMÜLGEN** [gömülğön], *at.* Guma, çägä gömlüp ýatýan gyzylymtyk reňkli zähersiz ýylan.

**GÖMÜLGI** [gömülğü], *syp.* Gömlüp goýlan, gömlen.

**GÖMÜL-GÖMÜL** [gömül-ğömül], *at.* Çägä, guma gömülýän suwulgana meňzeş kiçijik süýreniji jandar.

**GÖMÜLMEK** [gömülmök], *işl.* **1**. Üsti bir zat bilen örtülmek, gum sürülmek; ýapylmak. **2**. Päsgelçilik döredilmek, baglanmak, ýapylmak. *Meniň ugran ugrum gömülýär.*

**GÖMÜSGE** [gömüsğö], *at.* **1**. Öňden toplanylyp goýlan mülk, baýlyk. **2**. Edilen jenaýatçylykly iş, pyssy-pujurlyk. **3**. Üýşüp ýatan zir-zibil.

**GÖMÜŞ**, *iş ady.* Gömmek ýagdaýy, derejesi.

**GÖMÜŞDIRMEK** [gömüşdürmök], *işl.* Gömüp çykmak, bir ýan ujundan başlap gömmek.

**GÖMÜŞMEK** [gömüşmök], *işl.* **1**. Gömmäge kömek etmek. *Oňa çukur gömüşmek.* **2**. Bilelikde gömmek. *Daýhanlar gyşyna sowuk almaz ýaly üzümleriň düýbüni gömşüp ýördüler.*

**GÖN** [gö:n]. *at.* Aýakgap we ş.m. zatlar tikmek üçin işlenen gaýyş.

◊ **Gönüň ýanmak** gaty suwsamak, öler ýaly suwsamak.

**GÖNÇI** [gö:nçü], *at.* Gön önümçiliginiň işgäri, gön işläp bejerýän işgär.

**GÖNDERILMEK** [gönnörülmök], *işl.* Bir ýere iberilmek, ugradylmak, ýollanmak. *Çapar gönderilmek*.

**GÖNDERIŞ** [gönnörüş], *iş ady.* Göndermek ýagdaýy.

**GÖNDERME** [gönnörmö], *iş ady.* Göndermek ýagdaýy.

**GÖNDERMEK** [gönnörmök], *işl.* **1**. Bir ýumuş, tabşyryk bilen bir ýere ugratmak, ibermek; bir zady ýollamak, ugratmak. *Gözel patyşa bize nama gönderdi, Şa ordasyna bar, Jygaly ogly* ("Görogly"). **2**. *göç.m.* Başa çekmek, hemmesini birbada içmek, jyňkytmak. *Ol giň eýwanda, haly düşegiň üstünde aýbogdaşyny gurup, häli-şindi gök çaýy dynuwsyz gönderýärdi* (B. Kerbabaýew).

**GÖNDERMEKLIK** [gönnörmöklük], *iş ady.* Göndermek ýagdaýy.

**GÖNDERTMEK** [gönnörtmök], *işl.* Göndermek işini başga birine etdirmek. *Telegramma göndertmek. Gutlag haty göndertmek.*

**GÖNELIŞ** [gönölüş], *iş ady.* Gönelmek ýagdaýy, derejesi.

**GÖNELIŞMEK** [gönölüşmök], *işl.* Kem-kemden gönelip başlamak, dogralyp ugramak, dura-bara göni bolmak. *Gapdalyndan söýget berlen erik agajy birneme gönelişdi.*

**GÖNELME** [gönölmö], *iş ady.* Gönelmek ýagdaýy, derejesi.

**GÖNELMEK** [gönölmök], *işl.* **1**. Dogralmak, göni bolmak, dogry bolmak. *Obadan çykaňsoň, ýol ýene-de gönelýär*. **2**. *göç. m.* Ýaramaz gylyk-häsiýetinden el çekmek, bolgusyzlygy aýrylmak, düzelmek. *Atasynyň gazaply garaýşyna buýtar-suýtar edip edip oturan ogly derrew göneldi*.

**GÖNELMEKLIK** [gönölmöklük], *iş ady.* Gönelmek ýagdaýy.

**GÖNELTMEK** [gönöltmök], *işl.* **1**. Egri ýerlerini düzetmek, dograltmak, göni etmek. **2**. *göç.m.* Ýaramaz gylyk-häsiýetinden el çekdirmek, düzetmek. *Ýaşuly: "Garagol ogluňy maňa görkez, ony men derrew gönelderin" diýdi.*

**GÖNENÇ** [gönönç], *at.* Bir zatdan alynýan lezzet, eşret, kanagatlanma. *Muny ekläp-saklanymyz bilen gönenç berermikä?*

**GÖNENÇLIK** [gönönşlük], *at.* Hezillik, eşretlilik, lezzetlilik, şatlyk. *Aslynda gowaça bilen akbaşy tanamaýan adamdanam hojalyga gönençlik bolarmy diýsene!* ("Edebiýat we sungat").

**GÖNENDIRMEK** [gönönnürmök], *işl.* **1**. Hezil bermek, hezil etdirmek, begendirmek. *Şindize çenli gönendirip, düzüwli ýagyş hem ýaganok* (Ş. Borjakow). **2**. Bir zat bilen üpjün edip hezil etdirmek, begendirmek. *Sag bol, ýegen, çagalary gawun-garpyzdan gönendirdiň!* (R. Gelenow).

**GÖNENIŞ** [gönönüş], *iş ady.* Gönenmek ýagdaýy.

**GÖNENME** [gönönmö], *iş ady.* Gönenmek ýagdaýy.

**GÖNENMEK** [gönönmök], *işl.* **1**. Bir zatdan janyň lezzet tapmak, hezil etmek, begenmek. *Gül baryny ysgap-ysgap gönendik* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Bir zat bilen üpjün edilensoň, bir zat getirilip berlensoň we ş.m. üçin hezil etmek. *Üzüm iýip gönenmek.*

**GÖNENMEKLIK** [gönönmöklük], *iş ady.* Gönenmek ýagdaýy.

**GÖNENMEZLIK** [gönönmözlük], *iş.* Bir zatdan janyň lezzet tapmazlyk, hezil etmezlik.

**GÖNER** [gönör], *at,gepl.d.* Bir zadyň esasy bölegi; özeni. *Siz her näçe yranyşyp ýer süren bolsaňyz-da, işiň gönerini men edendirin* (B. Kerbabaýew).

◊ **Gönerinden tutmak** esasy, agyryly ýerini gozgamak, aýtmak.

**GÖNEZLIK** [gönözlük], *at.* **1**. Bişen süýdi gatyk etmek üçin goşulýan örän az mukdardaky gatyk. **2**. *göç. m.* Bir zadyň esasy, hamyrmaýasy, gözbaşy, çeşmesi.

**GÖNI** [gönü], *syp.* **1**. Egri däl, oklaw ýaly, dogry, dos-dogry. *Göni ýol.* **2**. Edil, hut, dogry. *Häzir sagat göni alty*. **3**. Başga ýere sowulmaýan, dogry. *Ol adam göni Bibi ejäniň ýanyna gelip, salam berdi* (T. Gurbanow). **4**. Açyk, ýaşyrylmadyk, gizlenmedik, dogry. *Bize aga – ak, gara – gara diýip, göni aýdaýmasaň bolýan däldir* (B. Seýtäkow). **5**. *göç.m.* Ýüz görmeýän, ak ýürekli, dogruçyl, gönümel. *Ol göni adam.*

◊ **Göni içege** *anat.* iýmit galyndylarynyň ýygnanýan içegesi, içegäniň gysga, göni turba görnüşli soňky bölegi. **Göniňden gelmek** çynyňy aýtmak, hakykaty bolşy ýaly aýtmak, dogryňdan gelmek.

**GÖNJÜK** [gö:njük], *at, zergärç.* **1**. *zergärç.* Ortasy dörtburç, iki gapdaly üçburç şekilli, ýerligi kümüşden bolan şaý (aýallaryň boýnundan dakylýan dörtburç, iki gyrasy şelpeli bezeg şaýy). **2**. Keçä, hala salynýan nagşyň bir görnüşi.

**GÖNÜBURÇLUK** [gönüvuruşluk], *at, mat.* Göni burçly dörtburçluk.

**GÖNÜBURÇLY** [gönüvuruşly], *syp.* Burçlary göni bolan. *Gönüburçly üçburçluk*.

**GÖNÜGIŞ** [gönüğüş], *iş ady.* Gönükmek ýagdaýy.

**GÖNÜKDIRILMEK** [gönükdürülmök], *işl.* Belli bir ugra ugrukdyrylmak, bir tarapa jemlenilmek.

**GÖNÜKDIRMEK** [gönükdürmök], *işl.* **1**. Göni ýola düşürmek, dogry ýol bilen ugratmak, ugrukdyrmak. **2**. Birine bir işi etmek üçin dogry görkezme bermek, öwredip başlamak. **3**. Bir ugra bakdyryp goýmak.

**GÖNÜKME** [gönükmö], **1**. *iş ady.* Gönükmek ýagdaýy. **2**. *dil b.* Okuw kitaplarynda öz bilimiňi berkitmek, kämilleşdirmek üçin okuwçy tarapyndan işlenmeli, ýerine ýetirilmeli ýumuş, iş, tabşyryk.

**GÖNÜKMEK** [gönükmök], *işl.* **1**. Barmaly ýerine ugramak, ýüzüni barmaly ýerine tarap tutup ýöremek. *Çatma baka gönükdi*. **2**. Belli bir ugra öwrülmek, belli bir zada laýyk getirmek. *Tyllagözel iň soňunda durmuş akymyna gönügip başlapdy* (B. Kerbabaýew).

**GÖNÜKMEKLIK** [gönükmöklük], *iş ady.* Gönükmek ýagdaýy.

**GÖNÜLEME** [gönülömö], *iş ady.* Gönülemek ýagdaýy.

**GÖNÜLEMEK** [gönülömök], *işl.* **1**. Göni däl simi we ş.m. dogry görnüşe getirmek, göni etmek. *Simi gönülemek*. **2**. Göni ýol bilen gitmek, dogrulamak, göni gitmek. *Suwlanmaga gaýdan mahallary şir bu ýodajykdan gönüläp, aşaklygyna gatnardy* ("Edebiýat we sungat"). **3**. *göç. m.* Göniňden gelmek, göni aýtmak. *A gyz, sen näme diýjek bolýarsyň, gönüläýsene!* (N. Pomma). *Şeýdip gönüläýseň bolmadymy?*

**GÖNÜLEMEKLIK** [gönülömöklük], *iş ady.* Gönülemek ýagdaýy.

**GÖNÜLEÝIŞ** [gönülöýüş], *iş ady.* Gönülemek ýagdaýy; gönüläp gidiş.

**GÖNÜLIK** [gönülük], *at.* **1**. Egri dällik, dogrulyk (zat hakynda). **2**. Çyn sözlülik, dogruçyllyk. *Jogabyň gönüligi direktory haýran galdyrdy*.

**GÖNÜMEL** [gönümöl], *syp.* **1**. Aýtjagyny göni aýdýan, ýüz görmeýän. *Ol gönümel adamdy*. **2**. Aç-açan, açyk, buýtar-suýtar etmän. *Gönümel jogap bermek.*

**GÖNÜMELLIK** [gönümöllük], *at.* **1**. Gönümele mahsus bolan gylyk-häsiýet. *Onuň gönümelligine, ak ýürekliligine telpek goýardylar* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Aç-açanlyk, açyklyk, gümürtiksizlik. *Gönümelligiň üçin sagja bol!*

**GÖNÜMELSIREMEK** [gönümölsürömök], *işl.* Gönümel däl halyňa özüňi gönümel görkezmäge çalyşmak, gönümel bolan bolmak.

**GÖŇEL** [göňöl], *syp.* Isleýän zadynyň ýoklugyndan kösenýän, haýsydyr bir zada zar. *Ol bir döwümjik çörek diýip tamşanýan çagalary, gök zada gözi göňel bolan adamlary indi görmeli däldi* (Ý. Mämmediýew).

**GÖR** [gö:r], *at, ser.* **Gabyr**. *Hasratly ömür sürenden, ýatmak ýegdir gör biläni* (Magtymguly).

**GÖRAMAN** [gö:rama:n], *at, taryh.* Jeset jaýlanýan uly gowak.

**GÖR-BAK** [gör-vak], "Seret, äňet, gör, bak" ýaly manyda ulanylýan söz. *Häzirki zaman ylmynyň gazananlary bilen ýaraglanan lukmanlar şeýle arzuwlaryň, gör-bak näçesini hasyl etdiler* ("Edebiýat we sungat").

**GÖRDÜM-BILDIM** [gördüm-millim]: **gördüm-bildim ýok** hiç hili habar ýok, gereklenýän zady, gözlenýän maly, adamy gören, eşiden, bilýän ýok. *Soň hem ondan gördüm-bildim bolmady* (B. Soltannyýazow).

**GÖRDÜRMEK** [gördürmök], *işl.* **1**. Görer ýaly etmek. *Ol iş barada kakasyna direktory gördürdi.* **2**. *ser.* **Görkezmek**. *Kesellini şähere getirip, lukmana gördürdim.*

**GÖRE-BILE** [görö-vile], *hal, gepl. d.* Ýaşan döwrüniň içinde hiç haçan, hiç wagt. *Göre-bile şeýle zada duş gelmändik.*

**GÖREÇ** [göröç], *at.* **1**. Gözüň garasynyň ortasyndaky daş-töweregi görýän garaja nokat. **2**. *ser.* **Göz**. *Iki göreç biri-birine sataşdy*.

**GÖRE-GÖRE** [görö-ğörö]: **göre-göre gelmek** bir zady köp görüp, öňden belet bolmak.

**GÖRELDE** [göröllö], *at.* Biriniň tejribe, sapak alar ýaly meşhur, aýdyň nusgasy, tälim almaga mynasyp hereket, gylyk-häsiýet.

**GÖRELDELI** [göröllölü], *syp.* **1**. Başgalara görelde, nusga bolup hyzmat edýän. *Göreldeli mekdep*. **2**. Edepli, tertipli, salyhatly. *Göreldeli okuwçy.*

**GÖRELI-BAKALY** [görölü-vaka:ly], "Hany, soňy nähili bolarka, görüberýäs-dä" diýen manyda ulanylýan tirkeş söz.

**GÖREN-BILEN** [görön-milen], *at, ser.* **Gören-eşiden**.

**GÖREN-EŞIDEN** [görön-eşden], *syp.* Bir zatdan habarly, habary bar bolan, gözi bilen gören we eşiden. *Gören-eşiden zatlary hakynda gürrüň berdi.*

**GÖRERLIK** [görörlük], *at.* Görmäge ýaramlylyk. *Düýnki sereden kinomyzyň-a görerligi ýok eken*.

**GÖREŞ** [göröş], *at.* **1**. Biri-biriň bilen güýç synanyşyp, ýykmak maksady bilen geçirilýän oýnuň bir görnüşi. *Sportuň milli görnüşleri bolan göreş, at çapmak, ýaglyga towusmak adamlaryň saglygyny mäkämlendirýär* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Biri-biriňi ýok etmek ýa boýun syndyrmak üçin alnyp barylýan söweş, jeň, köpçülikleýin uruş. **3**. Kynçylyklary, päsgelçilikleri ýeňip geçmek, bir maksada ýetmek üçin geçirilýän çäre, hereket.

**GÖREŞDIRMEK** [göröşdürmök], *işl.* Güýç synanyşdyrmak üçin göreş tutdurmak, göreşe salmak. *Toýa gelen pälwanlary göreşdirdiler.*

**GÖREŞGEN** [göröşğön], *syp.* Gowy göreşip bilýän, göreşmäge ökde, göreşmegi oňarýan. *Şäherden gelen pälwan göreşgen eken.*

**GÖREŞIJI** [göröşüjü], *at.* Bir iş, maksat ugrunda jan aýaman göreşýän, göreş alyp baryjy, göreşde ukyplylyk görkeziji.

**GÖREŞILMEK** [göröşülmök], *işl.* Biri ýa birnäçe adam tarapyndan bir zat üçin, bir zadyň ugrunda ýa-da bir zada garşy göreş alnyp barylmak. *Ekinlere zyýan beriji mör-möjekleriň garşysyna pugta göreşilýär.*

**GÖREŞIŞ** [göröşüş], *iş ady.* Göreşmek ýagdaýy.

**GÖREŞJEŇ** [göröşşöň], *syp.* Bir maksat ugrunda göreşmäge, söweşmäge ukyby bolan.

**GÖREŞJEŇLIK** [göröşşöňlük], *at.* Bir maksat ugrunda göreşe ukyplylyk, söweşjeňlik.

**GÖREŞME** [göröşmö], *iş ady.* Göreşmek ýagdaýy.

**GÖREŞMEK** [göröşmök], *işl.* **1**. Biri-biriňi ýykjak bolup güýç synanyşmak, göreş tutmak. **2**. Göreşi alyp barmak, söweşmek, uruşmak. **3**. Bir zat ugrunda çalyşmak, alada etmek, hereket etmek, iş alyp barmak.

**GÖREŞMEKLIK** [göröşmöklük], *iş ady.* Göreşmek ýagdaýy.

**GÖRÄ** [görä:], "Garanda, seredende; boýunça, laýyklykda" we ş.m. manyda ulanylýan kömekçi söz.

**GÖRGEÇ** [görğöç], *hal, kön. s.* Görende, görüp. *Ýüzüň görgeç, göwnüm şady kän boldy* ("Saýatly – Hemra").

**GÖRGI** [görğü], *at.* Çekilýän, görülýän horluk; sütem, jebir, jepa.

◊ **Görgi görmek** azar ýamanyny görmek, azap, horluk çekmek.

**GÖRGÜLI** [görğülü], *syp.* **1**. Jebir-sütem çeken, görgi gören, horluk derdini çeken, görgi baryny gören. **2**. Biçäre, pahyr, betbagt, garabagt, garamaňlaý. *Görgüliniň ýaşy kyrkdan-da mazaly agypdy* (T. Gurbanow).

**GÖRGÜLILIK** [görğülülük], *at.* Görgüli halda bolmaklyk.

**GÖRGÜR** [görğür], *syp.* **1**. Uzakdaky we ownuk zatlary gowy görýän, saýgarýan, ýiti gözli. **2**. *göç.m.* Duýgur, hüşgär, eserdeň. *Görgür it*.

**GÖRGÜRLIK** [görğürlük], *at.* **1**. Ýiti gözlülik, göreji ýitilik. **2**. *göç.m.* Duýgurlyk, hüşgärlik, eserdeňlik. *Itleriň görgürligi güýçlüdir.*

**GÖRIN** [görüýn], *syp., gepl. d.* Şowsuzlyga, kynçylyga we ş.m. uçragan, kynçylyga ýakyn. *Olam hemişe görgä görin adam-da.*

**GÖRIP** [gö:rüýp], *syp.* Biriniň üstünligini görübilmeýän, bahyl, içigara.

**GÖRIPÇILIK** [gö:rüýpçülük], *at.* Göribe degişli bolan gylyk-häsiýet, bahylçylyk, içigaraçylyk, göriplik.

**GÖRIPLIK** [gö:rüýplük], *at, ser.* **Göripçilik**. *Muhadyň ýüreginde göriplik ody güýçlendi* (H. Ysmaýylow).

**GÖRK** [görük], *at.* Görnüş, keşp, owadanlyk, görmek.

**GÖRKANA** [görka:na], *syp.* Görmegeý, owadan, gözel görkli, görmekli, nurana. *Ol onuň maral gözlerine, görkana ýüzüne arzuwly garaýardy* (G. Kulyýew).

**GÖRKANALYK** [görka:nalyk], *at.* Görkana keşplilik, owadanlyk, görmegeýlik, gözellik, görklülik, görmeklilik.

**GÖRKEZGIÇ** [görközğüç], *at.* **1**. Bir zady görkezýän ýazgy, strelka ýa-da enjam. *Ýol görkezgiç. Tizligi görkezgiç*. **2**. Salgy beriş kitaby ýa-da kitapdaky salgy beriş sanawy.

**GÖRKEZIJI** [görközüjü], *at.* **1**. Matematikada: berlen mukdaryň näçe derejede getirilýändigini aňladýan belgi, mysal üçin: $3^3$, $\alpha^\beta$. **2**. Bir zadyň ösüş ýa-da galyş mukdaryny görkezýän dereje. *Ýokary görkeziji. Pes görkezijiler*.

**GÖRKEZILMEK** [görközülmök], *işl.* **1**. Görer ýaly edilmek, seretmek üçin köpçülige hödürlenmek. *Bu ýerde her gün agşam kino görkezilýär.* **2**. Oturmaga ýer görkezmek. *Bagşy görkezilen ýere geçip, çök düşüp oturdy* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Mälim edilmek, aýdylmak, bellenilmek. *Agzalan hatda görkezilen möhlet bireýýäm geçip gitdi.* **4**. Teklip edilmek, görkezmek. *Ol deputatlyga görkezildi.*

**GÖRKEZIŞ** [görközüş], **1**. *iş ady.* Görkezmek ýagdaýy. **2**. *ser.* **Görkezme**.

**GÖRKEZIŞDIRMEK** [görközüşdürmök], *işl.* Ýeke-ýekeden görkezmek, görkezip çykmak. *Bar, oglum, ýer sürülýän senetleri görkezişdir* (B. Seýtäkow).

**GÖRKEZIŞMEK** [görközüşmök], *işl.* Görkezmäge kömek etmek, bilelikde görkezmek.

**GÖRKEZME** [görközmö], **1**. *iş ady.* Görkezmek ýagdaýy. **2**. Bir zady ýerine ýetirmek üçin berilýän tabşyryk, salgy berilýän ugur, görkeziş. *Biz hormatly Prezidentimiziň görkezmelerinden ugur alýarys*. **3**. *hukuk*. Sülçiniň soragyna berilýän jogap, maglumat, bir zady subut etmek üçin delil. *Şaýatlaryň görkezmesi ýazylyp alyndy.*

**GÖRKEZMEK** [görközmök], *işl.* **1**. Bir zady gowy görer ýaly etmek, görmäge mümkinçilik bermek, salgy bermek. **2**. Birine görmäge bermek, synlatmak. *Barybam lukmana görkezeris*. **3**. Teklip etmek, birini bir ýere, wezipä hödürlemek. *Deputatlyga görkezmek.* **4**. Bir häsiýetiňi ýüze çykarmak. *Söweşlerde batyrlyk görkezdik*. **5**. Bir zady subut etmek, delillendirmek üçin birini mysal almak, köp zadyň içinden belli birini tutmak. *Muňa mysal edip, un kärhanasyny görkezmek bolar.*

**GÖRKEZMEKLIK** [görközmöklük], *iş ady.* Görkezmek ýagdaýy.

**GÖRK-GÖRMEK** [görük-görmök], *at.* Adamyň daşky sypaty we owadanlygy, keşbiň we syratyň sazlaşygy. *Onda görk-görmek ýok eken. Görk-görmegi bir zada degýär*.

**GÖRKLENMEK** [görüklönmök], *işl.* Owadanlanmak, görmegeý bolup ugramak. *Gögüň ýüzi görklenipdir.*

**GÖRKLI** [görüklü], *syp.*, *ser.* **Görmegeý**. *Ýoldan barýan gyz diýseň, görklüdi, görmegeýdi* ("Edebiýat we sungat").

**GÖRKLÜLIK** [görüklülük], *at, ser.* **Görmegeýlik**.

**GÖRKSÜZ** [görüksüz], *syp.* Görk-görmegi ýok, owadan däl, betgelşik, görmeksiz. *Indi görksüz salnan jaý görmersiň.*

**GÖRKSÜZLIK** [görüksüzlük], *at.* Görk-görmegi ýokluk, owadan dällik, görmeksizlik.

**GÖR-LÄHET** [gö:r-lähet], *at, gepl.d.* Düýbünden gerekmejek bolgusyz zatlar. *Jaýyň içini gör-lähetden dolduraýypsyň-la.*

**GÖRLÜP-EŞIDILMEDIK** [görlüv-eşdilmedik], *syp*. Şu çaka çenli bolmadyk, bilinmedik, görülmedik, eşidilmedik, mälim bolmadyk. *Görlüp-eşdilmedik ösüş*.

**GÖRME** [görmö], *iş ady.* Görmek ýagdaýy, derejesi.

**GÖRMEDIKSIREMEK** [görmödüksürömök], *işl.* Görse-de görmezlige salmak, görmedik bolmak. *Üýşüp otyrkak, ol bizi görmediksiräp geçip gitdi.*

**GÖRMEGEÝ** [görmöğöý], *syp.* Owadan, syratly, görkli, görnükli. *Ýigitleriň ikisi-de uzyn boýly, deşlidi, garaýagyzdan görmegeýdi* (G. Kulyýew).

**GÖRMEGEÝLIK** [görmöğöýlük], *syp.* Owadanlyk, syratlylyk, görklülik. *Görmegeýlikde bu gyza taý tapylmaz.*

**GÖRME-GÖRÜŞ** [görmö-ğörüş], *at.* Biri-biriň bilen saglyk-salamatlyk üçin baryş-geliş, gatnaşyk, duşuşyk. *Men öz dogan-garyndaşlarymyňka görme-görşe gitdim* ("Edebiýat we sungat").

**GÖRMEK** [görmök] **I**, *işl.* **1**. Görüş ukybyna eýe bolmak. *Bent bolupdyr gören gözler, Syýa bolmuş gözel ýüzler* (Magtymguly). **2**. Seretmek, äňetmek, bakmak, synlamak. *Ol daşyndan göräýmäge türkana ...adam ýalydy* (N. Jumaýew). **3**. Güman etmek, çak etmek. *Köp adamlar Merediň bu ýagdaýa düşmegini Nazardan gördüler* (B. Pürliýew). **4**. *göç.m.* Biri bilen duşuşmak, birine gabat gelmek. *Seniň ýadyňa düşýändir, men seni Maryda görüpdim.* **5**. *göç.m.* Bir ýagdaýy, wakany başdan geçirmek, şaýady bolmak. *Ýaşuly, sen öz döwrüňde köp zady görensiň, bize ýaşlygyň barada gürrüň bersene!* **6**. Hal işligiň şekilini ýa-da başga bir şekiliň goşulmasyny kabul eden *görmek* işliginden soň *bolmak, durmak* ýaly işlikler gelip, täze manyly düzümli işlikler ýasalýar: **Görüp bolmak 1**) seredip çykmak işini tamamlamak. *Kompýuteri ýapaý, görjek zatlarymy görüp boldum*. **2**) görmek mümkinçiligi emele gelmek. *Şu eserde türkmen gyzlarynyň durmuşyny görüp bolýar*. **Görüp durmak** gözi bilen görmegi döwam etdirmek. *Onuň bolup durşuny adamlar görüp dur*. **Görüp gaýtmak** baryp görüp, yzyňa dolanmak, görüp yzyňa öwrülmek. *Obamyza gidip, enem-atamy görüp gaýtsam diýýän*. **Göresiň gelmek** ýüregiň küýsemek, görmek islegi güýçlenmek. *Bile okan ýoldaşlarymy göresim gelýär.* **7**. *Görmek* kömekçi işliginden öň käbir isimler gelip, täze manyly düzümli işlik ýasalýar: **Kyn görmek** haýsydyr bir işi, haýyşy we ş.m. ýerine ýetiresi, bitiresi gelmezlik. **Erbet görmek 1**) gözüniň görşi pes bolmak. *Onuň çep gözi erbet görýär*. **2**) biriniň hereketi ýaramazlyk, biriniň bolşuny halamazlyk. *Oňa bir söz aýtdym weli, gaty erbet gördi*. **Gowy görmek 1**) gözüniň görşi örän oňat bolmak. *Gözüm gowy görýär*. **2**) biriniň bolşy, haýsydyr bir hereketi ýaramak, bir zady oňat görmek; birini halamak, söýmek. *Men onuň erjelligini gowy gördüm. Çagany gowy görmek onuň endigidi*. *Ýigit gyzy kesesinden gowy görýärdi*. **8**. *Görmek* kömekçi işliginden öň käbir işlikler gelip, täze many öwüşginli düzümli işlik ýasalýar: **Ýazyp görmek** iň bolmanda bir gezek ýazmak. *Sen heý goşgy ýazyp gördüňmi?* **Okap görmek** iň bolmanda bir gezek okamak. *Şahyryň goşgular ýygyndysyny okap gördüm*.

◊ **Gördüm, bildim ýok** hiç hili habar-hatyr ýok (atsyz-sorsuz, nam-nyşansyz, dereksiz ýiten adam hakynda aýdylýar). *Ol hakda gördüm, bildim ýok, şol gidişi gidişi boldy*. **Gördüm etmezlik** derrew iýip gutarmak. *Uzak ýoldan surnugyp gelen myhmanlar öňlerinde goýlan naharly tabagy gördümem etmediler.* **Görene göz bolmak** iliň gözüniň alnynda masgara bolmak, betnam bolmak. **Görer ýaly etmezlik** bulam-bujar etmek, eden zadyny, işini ýaramaz ýerine ýetirmek. *Içerini, daşaryny hapalap, görer ýaly etmänsiň*. **Görüp goýan ýaly** belet, tanyş. *Ol oglanjyk näme iş buýursam, edil görüp goýan ýaly, gül ýaly edip ýerine ýetirýär.* **Görüp otursam** pikirlenip görsem. *Görüp otursam, ol biziň daşgynrak garyndaşymyz eken*.

**GÖRMEK** [görmök] **II**, *at, ser.* **Görk**.

**GÖRMEKLI** [görmöklü], *syp.*, *ser.* **Görmegeý**.

**GÖRMEKLIK** [görmöklük], *iş ady.* Görmek ýagdaýy.

**GÖRMEKLILIK** [görmöklülük], *at, ser.* **Görmegeýlik**. *Bu atyň görmekliligine söz diýer ýaly däldi.*

**GÖRMEKSIZ** [görmöksüz], *syp.* Owadan bolmadyk, görmegeý däl, betgelşik, görksüz.

**GÖRMEKSIZLIK** [görmöksüzlük], *at.* Görmegeý dällik, betgelşiklik, görksüzlik.

**GÖRMEZLIK** [görmözlük], *iş ady.* Gözi bilen görüp bilmezlik; gözi bilen görüp, bir zadyň şaýady bolmazlyk.

◊ **Görmez arkasy güýçli** ýüregiňe laýyk däl zatlary görmäniň, görüp şaýady bolmanyň gowy.

**GÖRNETIN** [görnötüýn], *hal.* Göz-görtele, aç-açan, mese-mälim, görnüp duran, mesaňa. *Türkmen bedewiniň ynsanyň ganatydygyny, türkmeni özge halklardan görnetin tapawutlandyryp duran aýratyn baýlygydygyny subut etmeýärmi?!* ("Türkmenistan").

**GÖRNÜK**, *at.* **1**. *ser.* **Görk**. **2**. Göze ilerlik, çeken zähmetiň, eden işiň bilinmeklik. *Ownuk işe uzynly gün gydyrdanýarsyň weli, hiç bir görnügi ýok.*

**GÖRNÜKLI** [görnüklü], *syp.* **1**. *ser.* **Görmegeý**. *Görnükli maşgala, açylsyn bagtyň, Ünji-azap bilen geçmesin wagtyň* (B. Kerbabaýew). *Görnükli adam*. **2**. Oňat görünýän, göze gowy gelýän. *Diwar gazetini görnükli ýerden asaýyn.* **3**. Ady belli, tanymal, abraýly. *Türkmen halkynyň görnükli wekilleriniň gündogar döwletleriniň birnäçesiniň taryhyna müdimilik girendikleri hemmämize mälim* ("Türkmenistan"). *Görnükli jemgyýetçilik işgäri. Görnükli ýazyjy*. **4**. *göç.m.* Oňat, gowy. *Olaryň tanyşjak güni ýazyň görnükli günlerinden biridi* (B. Kerbabaýew).

**GÖRNÜKLILIK** [görnüklülük], *at, ser.* **Görmegeýlik**.

**GÖRNÜKSIZ** [görnüksüz], *syp.* **1**. *ser.* **Görmeksiz**. **2**. Gelşiksiz, ýaramaz.

**GÖRNÜKSIZLIK** [görnüksüzlük], *at, ser.* **Görmeksizlik**.

**GÖRNÜM**: **gara görnüm** görmek mümkin bolan, garasy görünýän, uzak bolmadyk, garasy saýgarylýan aralyk. *Duşaklanan düýe gara görnümdedi.*

**GÖRNÜŞ I**, *at.* **1**. Biriniň ýa-da bir zadyň daş sypaty, keşbi, şekili. **2**. Bir zadyň durky.

**GÖRNÜŞ II**, *at.* Özüňi görkezme, görünme. *Agaýunus gyzlar bilen görnüşe geldi* ("Görogly").

**GÖRNÜŞ III**, *at,teatr*. Sahnada goýulýan oýun perdesiniň bir bölümi. *Dramanyň soňky görnüşi*.

**GÖRNÜŞ IV**, *at.* Haýwanlaryň we ösümlikleriň bir meňzeş aýratynlyklaryny öz içine alýan umumy jyns birligi. *Süýdemdirijileriň görnüşi.*

**GÖRÜBERMEK** [görüvermek], *işl.* Bir ýanyndan görüp başlamak, görüp ugramak. *Siz gidiň-de görüberiň, bizem bararys.*

**GÖRÜBILMEZÇILIK** [görüvilmezçilik], *at.* Bahylçylyk, içigaraçylyk, göripçilik. *Kişiniň üstünligine görübilmezçilik etmeli däl.*

**GÖRÜBILMEZLIK** [görüvilmezlik], *ser.* **Görübilmezçilik**. *Görübilmezçilik etmek.*

**GÖRÜJILIK** [görüjülük], *at,ser.* **Görgürlik**.

**GÖRÜLMEK** [görülmök], *işl.* **1**. Seredilmek, äňedilmek. **2**. Bilinmek, aňylmak. *Wagtynda görüldi, bolmasa ýangyn tutaşjakdy.*

**GÖRÜM**, *at.* Nusga, tälim alar ýaly edep-ekram, terbiýe, görelde. *Baýlarynda sahawat ýok, berim ýok, Ýigidinde görelde ýok, görüm ýok* (Magtymguly).

◊ **Görümden galmak**, ýaşyň ötüşmegi sebäpli aýbaşysy gelmek döwri geçip gitmek. **Görüm görmek 1)** görelde, tälim almak. **2)** aýbaşysy gelmek, bili açylmak (aýallar hakynda).

**GÖRÜM-GÖRELDE** [görüm-ğöröllö], *at.* Görelde bolarlyk, terbiýe, nusga bolup bilerlik edep-tertip.

**GÖRÜMSIZ** [görümsüz], *syp.* Görüm-görelde görmedik, edep-ekram bilmeýän, tertipsiz, biedep. *El degirseň, uly il bilen ses eder, Şeýleki görümsiz, bir haýýar bolar* (Baýly şahyr).

**GÖRÜMSIZLIK** [görümsüzlük], *at.* Görümsize degişli gylyk-häsiýet, görüm-görelde görmezlik, biedeplik.

**GÖRÜNMEK** [görünmök], *işl.* **1**. Göz öňünde peýda bolmak. *Uzakdan görünýän minara*. **2**. Belli bolmak, äşgär bolmak. *Işiň gowulygy öňe sürülýän pikirleriň esaslydygyndan hem görünýär*. **3**. Bir ýere barmak, baryp-gelip durmak. *Ol: “Menem toýa görnüp gaýdaýyn” diýdi.*

**GÖRÜPGAÇDY** [görükgaşdy], *at.* Eşekçi bukulan döwçüleri ýeke-ýeke tapyp, adyny dogry tutup, tutdurman gaçyp pellehana gelmeli edilip oýnalýan oýun.

**GÖRÜSTAN** [gö:rüssa:n], *at, ser.* **Gabrystan**. *Hezreti Isgender, kany Süleýman, Ahyrynda boldy jaýy görüstan* (Magtymguly).

**GÖRÜSTANLYK** [gö:rüssa:nlyk], *at, ser.* **Gabrystanlyk**.

**GÖRÜŞ**, *iş ady.* Görmek ýagdaýy, görüp biliş ukyby.

**GÖRÜŞDIRIBERMEK** [görüşdürüvermek], *işl.* Hemmesini görüp başlamak, ählisini görüp ugramak.

**GÖRÜŞDIRMEK** [görüşdürmök], *işl.* **1**. Ählisini, hemmesini görmek, görüp çykmak. *Ol derrew Atanyň getiren zatlaryny görüşdirmäge başlady.* **2**. Duşuşdyrmak; elleşdirmek, salamlaşdyrmak. *Men siziň ikiňizi görüşdirmek isledim.*

**GÖRÜŞMEK** [görüşmök], *işl.* **1**. Görmäge kömek etmek. *– Özüm-ä başarmadym, maşynymyň dinamigini görşäýseň diýýän.* **2**. Biri-biriňi görmek, biri-biriň bilen duşuşmak, biri-biriň bilen ýüzbe-ýüz bolmak. *Bolýar onda, saglykda görşeli*. **3**. Elleşip salamlaşmak. *Olar gujaklaşyp görüşdiler.*

**GÖS-GÖNI** [gös-ğönü], *syp.* Dos-dogry, örän göni, dogry (ýol, zat hakynda). *Ol yz gös-göni derýajyga alyp bardy* ("Edebiýat we sungat").

**GÖTERGI** [götörğü], *at.* Adama, haýwana we ş.m. zatlara kömek üçin berilýän tekge, goldaw, goltgy, hemaýat, ýardam. *Syrkawy götergi berip galdyrmak.*

**GÖTERGILEME** [götörğülömö], *iş ady.* Götergilemek ýagdaýy, derejesi.

**GÖTERGILEMEK** [götörğülömök], *işl.* **1**. Bir zady ýa-da birini köp bolup ýokary galdyrmak; götermek, ýerden saýlamak. *Götergiläp bir zady, Ugradylar geçelgä* (A. Alamyşow). **2**. *göç.m.* Birini çendanaşa öwmek, öwgüsini ýetirmek. *Jygaly begi munça götergiläp, uly abraýyň eýesi etdiň* ("Görogly").

**GÖTERGILEMEKLIK** [götörğülömöklük], *işl.* Götergilemek ýagdaýy.

**GÖTERGILENMEK** [götörğülönmök], *işl.* Biri çendanaşa öwülmek, öwgüsi ýetirilmek.

**GÖTERGILEÝIŞ** [götörğülöýüş], *iş ady.* Götergilemek ýagdaýy.

**GÖTER-GÖTER** [götör-ğötör]: **göter-göter etmek** birini hemmäň iki eliň bilen ýokary götermek, galdyrmak.

**GÖTERHÄ-GÖTER** [götörhä:-ğötör], *hal, ser.* **Göter-göter**.

**GÖTERIJI** [götörüjü], *at.* **1**. Bir zady ýokary galdyrýan; göterýän. *Men baýdak göteriji. Göteriji kran.* **2**. *hukuk*. Haýsydyr bir zada hukugy, haky bar adam. *Hukuk subýekti bolan fiziki şahs hukuklaryň we borçlaryň göterijisi bolýar.*

**GÖTERIJILIK** [götörüjülük], *at.* Bir zady ýokary göterip, galdyryp bilijilik. *Kranlaryň ýük göterijiligi artdy.*

**GÖTERILMEK** [götörülmök], *işl.* **1**. Ýerden ýokary galmak, ýerden saýlanmak, uçmak. *Uçar asmana göterildi.* **2**. Duran zat ýokaryk, belende galdyrylmak. *Kerpiçler kran bilen ýokaryk göterildi.* **3**. Sen-sen edilse, men diýip, özüni öte ýokary tutmak. *Çala öwgini göterinip bilmän, goterilip durmak uly adama ýaraşmaz.* **4**. *göç.m.* Buýruk şekilinde gelende: "tur git, tur ugra"

diýen manyda ulanylýan söz. *Häziriň özünde göteril şu ýerden!*

**GÖTERIM** [götörüm], *at.* **1**. Bitin hökmünde kabul edilýän sanyň ýüzden bir ülşi (% belgi bilen aňladylýar). **2**. Bir zadyň ýüzden bir bölegi tertibinde ölçelýän hem-de birlik hökmünde kabul edilen mukdar. *Harytlar on göterim arzanlady.* **3**. *göç.m.* Belli bir möçberde bölünen bölek (agram aňladýan söz). *Tamyň öňünde bir göterim töweregi çöpür ýatyrdy.* **4**. *göç.m.* Sähel zada göterilýän, ýeňilkelle, ýeňles, kelpeň. *Göterim adam*.

**GÖTERIMINE** [götörüminö], *hal.* **1**. Karz alnan pul üzülende üstüne belli mukdarda pul goşmak şerti bilen, goşmak ýoly bilen. *Bankdan 18 göterimine pul aldym.* **2**. Lomaý söwda edýänden alýan harydyň bahasyny ol harydy diňe özüň satanyňdan soň tölemek şerti bilen. *Göterimine haryt almak.*

**GÖTERIMLEMEK** [götörümlömök], *işl.*, *gepl.d.* Arryklygy we horlugy sebäpli guzlajak-guzlajagyň öň ýanynda sürä eýermän galmak (goýun, geçi hakynda). *Bu goýun göterimläpdir.*

**GÖTERINMEK** [götörünmök], *işl.* **1**. Özüň üçin götermek, ýanyň bilen götermek. *Gezelenje gidenler öz ýany bilen suw, çörek göterindiler*. **2**. *göç.m.* Durmuşyňda bolan şatlygy, begenji, baýlygy saklap bilmek, özüňe erk edip bilmek, adamkärçiligiňi saklamak. *Ol baýlygyny göterinip bilmedi.*

**GÖTERIŞDIRMEK** [götörüşdürmök], *işl.*Ýekän-ýekän götermek, göterip çykmak. *Ol bugdaýdan doly haltalary göterişdirip gördi.*

**GÖTERIŞ** [götörüş], *iş ady.* Götermek ýagdaýy.

**GÖTERIŞMEK** [götörüşmök], *işl.* **1**. Götermäge kömek etmek. *Men olaryň ýüklerini göterişdim.* **2**. Bilelikde götermek. *Pagtaçylar içi pagtaly ganarlaryny harmana tarap göterişip barýardylar.*

**GÖTERME** [götörmö] **I**, *iş ady.* Götermek ýagdaýy.

**GÖTERME** [götörmö] **II**: **göterme ýap** raýyşy ýokary galdyrylyp çekilýän ýap.

**GÖTERMEK** [götörmök], *işl.* **1**. Ýokary galdyrmak. *Suwly bedräni ýerden götermek.* **2**. Bir zady öz ýanyň bilen alyp gitmek, ýanyňa almak. *Uzak ýola çykaňda ýanyňa suw götergin*. **3**. Biriniň adyny dakynmak, adyny almak. *Indi oba mekdebi şahyryň adyny göterýär*. **4**. *göç.m.* Birini bir guramanyň we ş.m. düzümine goşmak, kabul etmek, agzalyga almak. *Şu günler ýaşlar guramasyna götermäge gyzlaryň sekizisini taýýarlaýarys.* **5**. *göç.m.* Öňki ýagdaýyndan ýokary galdyrmak, ýokarlandyrmak, gowulandyrmak. **6**. Gaharlanýandygyňy bildirmezlik, çekmek, çydamak. *Degişmäni götermek*. *Onuň bolşuny götermek aňsat däl*.

**GÖTERMEKLIK** [götörmöklük], *iş ady.* Götermek ýagdaýy, derejesi.

**GÖTERTMEK** [götörtmök], *işl.* Götermek işini birine etdirmek.

**GÖTIN** [götüýn], *hal.* Arkan, yza, yzyna. *Maşyn götin ýöredi.*

◊ **Götin gaýtmak** gaýra basmak, depgini, bady gowşamak.

**GÖTINJEKLEME** [götüýnjöklömö], *iş ady.* Götinjeklemek ýagdaýy.

**GÖTINJEKLEMEK** [götüýnjöklömök], *işl.* **1**. Yzyna ýöremek, götin çekilmek, yza tesmek, yza çekilmek, götinlemek. *Ol allaniçigsi bolup götinjekläp ugrady*. **2**. *göç.m.* Ikirjiňläp durmak, ýaýdanmak. *Olaryň ikisi hem boýun alan wadasynda durman, götinjekläp başlady.*

**GÖTINJEKLEMEKLIK** [götüýnjöklömöklük], *iş ady.* Götinjeklemek ýagdaýy, derejesi.

**GÖTINJEKLEÝIŞ** [götüýnjöklöýüş], *iş ady.* Götinjeklemek ýagdaýy, işi.

**GÖTINLEME** [götüýnlömö], *iş ady.* Götinlemek ýagdaýy.

**GÖTINLEMEK** [götüýnlömök], *işl.*, *ser.* **Götinjeklemek**.

**GÖTINLEMEKLIK** [götüýnlömöklük], *iş ady.* Götinlemek ýagdaýy.

**GÖTINLETMEK** [götüýnlötmök], *işl.* Yza ýöretmek, götin ýöretmek, yza tesdirmek.

**GÖTINLEÝIŞ** [götüýnlöýüş], *iş ady.* Götinlemek ýagdaýy.

**GÖTINOGRY** [götüýnoğry]: **götinogry etmek** özüň günäkär, ýazykly halyňa bigünäni aýyplamak, günäsiz adamyny ýazykly etmek, garalamak, töhmet atmak. *Sen öz ogluňa käýemän, gaýta meniňkini götinogry edýärsiň-le!*

**GÖTINSÜMER** [götüýnsümör], Arpaganyň başyna meňzeş baş çykarýan haşal ot.

**GÖTLÜK**, *at.* Eşegiň gaňňasy öňe gitmez ýaly, guýrugynyň aşak ýanyndan aýlanyp, gaňňanyň yzky gürlügine daňylýan ýüp; iki ujuna ýüp daňlan kese agaçjyk, keseje.

**GÖW**, *at,ösüml.d.* Ýapragy, inçemik uzyn, baldagy ýumşak, ak gülli, ýaýrap ösýän, süýjümtik iýilýän ot. *Enem göwden gutap bişirdi.*

**GÖWDE** [göwdö], *at, kön. s.* **1**. Göwre. *Göwnüm onda, göwdäm munda* (Nakyl). **2**. Ölen adamyň jesedi.

**GÖWDERI** [göwdörü], *at.* Erşi gyzyl, argajy gök, elde dokalýan ýüpek mata we şol matadan tikilen aýal köýnegi. *Göwderi köýnek.*

**GÖWDÜGIŞ** [göwdüğüş], *iş ady.* Göwdükmek ýagdaýy.

**GÖWDÜKME** [göwdükmö], *iş ady.* Göwdükmek ýagdaýy.

**GÖWDÜKMEK** [göwdükmök], *işl.* Gaty hor düşmek. *Haýwan, ynsan bir göwdügen ýyl boldy, Gaty gorkup, gala bilmez ýerinden* (Kemine).

**GÖWDÜKMEKLIK** [göwdükmöklük], *iş ady.* Göwdükmek ýagdaýy.

**GÖWEÇ** [göwöç], *at.* Içinde gyzyl-kümüş eretmek üçin berk zatdan edilen oda çydamly gap. *Belent daglar, beýikligňe buýsanma, Göweçde suw bolan zer dek bolar sen* (Magtymguly).

**GÖWEK** [göwök], *at.* Goýun ýa-da geçi bilen çakyşmazlyk üçin goçuň ýa tekäniň garnynyň aşagyna tutulýan halta.

**GÖWEKLEME** [göwöklömö], *iş ady.* Göweklemek ýagdaýy.

**GÖWEKLEMEK** [göwöklömök], *işl.* Göwek tutmak. *Ullakan agyla agyr sürini salyp, beýleki bir kiçi agylda duran ýigrimi töweregi goçuň ýedi-sekizisini göwekläp, ýaňky uly agyla goýberdiler* ("Edebiýat we sungat").

**GÖWEKLEMEKLIK** [göwöklömöklük], *iş ady.* Göweklemek işi.

**GÖWEKLENMEK** [göwöklönmök], *işl.* Göwek tutulmak, göwek dakylmak.

**GÖWEKLEŞMEK** [göwöklöşmök], *işl.* Göwek dakmaga kömekleşmek.

**GÖWEKLETMEK** [göwöklötmök], *işl.* Göweklemek işini birine etdirmek. *Goçlary göwekletmek.*

**GÖWEN** [göwön], *at.* Daglyk ýerlerde bitýän we sakyz önümi alynýan tikenli ösümlik.

**GÖWENEK** [göwönök], *at.* Gyrga meňzeş, pel--pelläp uçýan ýyrtyjy guş.

**GÖWERSEŇ** [göwörsöň], *at.* Suw degirmeniniň perli okunyň baryp durýan ýerindäki demriň ortasyndaky oýuk ýer.

**GÖWHER** [göwhör], *at.* **1**. Bezeg üçin ulanylýan gymmatbaha daş, dür. *Göwher daşy ýüzük etseň, mis bilen, Gymmaty egsilmez hormat ýagşydyr* (Magtymguly). **2**. Adam ady.

**GÖWHERŞYNAS** [göwhörşyna:s], *at.* Göwher bilen iş salyşýan, göwher tanaýan, göwherden başy çykýan adam. *Göwherşynas bolsaň göwheri tany, Alar bolsaň gul jaýyna al, Senem* ("Şasenem – Garyp").

**GÖWNAÇYK**, *syp.* Hoş niýetli, sada, göwrümini giň tutýan.

**GÖWNAÇYKLYK**, *at.* Göwnaçyk häsiýetlilik.

**GÖWNEDILMEK** [göwnödülmök], *işl.* Razy edilmek, razyçylygy alynmak.

**GÖWNEJAÝ** [göwnöja:ý], *at.* Göwne makul, maksada laýyk, makul bolarlyk.

**GÖWNEME** [göwnömö], *iş ady.* Göwnemek ýagdaýy.

**GÖWNEMEK** [göwnömök], *işl.* Bir işi, bir zady ýerine ýetirmäge razy bolmak, razylyk bermek, göwünli bolmak. *Çagalary bolsa ejesiniň ýanynda bolmaga göwnediler* (A. Durdyýew).

**GÖWNEMEKLIK** [göwnömöklük], *iş ady.* Göwnemek ýagdaýy, derejesi.

**GÖWNETMEK** [göwnötmök], *işl.* Razy, etmek, razyçylygyny almak, göwünli bolmagyny gazanmak.

**GÖWNEÝIŞ** [göwnöýüş], *iş ady.* Göwnemek ýagdaýy.

**GÖWNÜÇÖKGÜN**, *syp.* Umytsyz, sussy pes, keýpsiz.

**GÖWNÜÇÖKGÜNLIK** [göwnüçökgünlük], *at.* Göwnüçökgün halda bolmaklyk.

**GÖWNÜHOŞ**, *syp.* Durmuşdan we ş.m. zatlardan razy, hoşal. *Halyçy öz okuwçy gyzlarynyň dokan halysyndan göwnühoş boldy*.

**GÖWNÜHOŞLUK**, *at.* Göwnühoş halda bolmaklyk, hoşallyk. *Gyz göwnühoşluk bilen ýylgyrdy*.

**GÖWNÜÝARYM** [göwnüýa:rym], *syp.* Özüne bagly bolmadyk sebäplere görä, durmuşdan nalan, kemsinen. *Keselli göwnüýarym bolýan eken* (B. Seýtäkow).

**GÖWNÜÝETIJILIK**, *at.* Bir zada göwnüň ýetmeklik, pisindiň oturmaklyk. *Öz eden işine ýene-de bir gezek göwnüýetijilik bilen seretdi.*

**GÖWNÜÝETMEZÇILIK**, *at, ser.* **Göwnüýetmezlik**. *Hüňkar Görogla göwnüýetmezçilik bilen garaýar* ("Görogly").

**GÖWNÜÝETMEZLIK**, *at.* Bir zada göwni ýetmezlik, pisindi oturmazlyk. *Ol göwnüýetmezlik bilen ýylgyrdy*.

**GÖWRANA** [göwra:na], *at.* Ýer sürlende öküzleri ýöretmekde ulanylýan ujy çiş ýa-da ujuna çüý kakylan uzyn taýak.

**GÖWRE** [göwrö], *at.* **1**. Bedeniň guşaklykdan boýna çenli bolan aralygy, göwde. **2**. Tutuş beden. *Onuň jalkyldap gaýdan daýaw göwresi gapyny sarsdyrdy* (N. Pomma). **3**. Çaganyň emele gelýän ýeri. *"Gora göwrämdäki balaňy" diýip, Söwer ýara pata berdi gelinler* (B. Hudaýnazarow).

**GÖWRELI** [göwrölü], *syp.* **1**. Göwresinde çaga galan, hamyla, ikigat, aýagy agyr. **2**. *göç. m.* Kimdir birinden iren, halys bolan, bez bolan. *Agsak mürzeden göwreli adamlar toparyň öňünde içlerini dökdüler* (B. Kerbabaýew).

**GÖWRELILIK** [göwrölülük], *at.* Göwreliniň ýagdaýy, hamylalyk, aýagy agyrlyk.

**GÖWREME** [göwrömö], *iş ady.* Göwremek ýagdaýy.

**GÖWREMEK** [göwrömök], *işl.* Oda gyzyp ýanara gelmek.

**GÖWREMEKLIK** [göwrömöklük], *iş ady.* Göwremek ýagdaýy.

**GÖWRETMEK** [göwrötmök], *işl.* Oda golaý durup ýa-da bir zady oda tutup ýakara, ot alara getirmek. *Oda giräýjek bolup, ýalaňgat jalbaryny göwredere getirdi* (N. Atdaýew).

**GÖWREÝIŞ** [göwröýüş], *iş ady.* Göwremek ýagdaýy.

**GÖWRÜM**, *at.* Bir zadyň daş görnüşiniň möçberi, gabarasy. *Bu eser, göwrüminiň kiçiligine garamazdan, mazmuna örän baýdyr* (H. Ysmaýylow).

◊ **Göwrümiňi giň tutmak** her bir zada gaharyňy getirip durmazlyk, darygyp durmazlyk. *Ol göwrümini giň tutdy*. **Göwrümi giňemek** arkaýynlanmak, göwni karar tapmak, ynjalmak. *Myhman ýigidiň göwrümi giňäp gitdi* ("Edebiýat we sungat").

**GÖWRÜMLI** [göwrümlü], *syp.* Göwrümi, tutýan meýdany uly, gabaraly. *Hassahanada alnyp barylýan oňat işler, geçirilýän ylmy derňewler jikme-jik öwrenilip, uly göwrümli eser ýazylmaga mynasypdyr* ("Türkmenistan").

**GÖWŞÜL**, *syp.* Reňki-peti gidişen, könelişen, sary giden (geýim-gejim hakynda). *Göwşül çabyt.*

**GÖWŞÜLDEME** [göwşüllömö], *iş ady.* Göwşüldemek ýagdaýy.

**GÖWŞÜLDEMEK** [göwşüllömök], *işl.* Täze zatlara mahsus alamatlary gidip ugramak, könelip ugramak, könelmek, peti-sary gitmek, süzülip başlamak. *Başy göwşüldän perenjeli, egni sowsany köýnekli çal saç bir aýaldy* (B. Kerbabaýew).

**GÖWŞÜLDEMEKLIK** [göwşüllömöklük], *iş ady.* Göwşüldemek ýagdaýy.

**GÖWŞÜLDEÝIŞ** [göwşüllöýüş], *iş ady.* Göwşüldemek ýagdaýy, derejesi.

**GÖWŞÜLRÄK** [göwşülürä:k], *syp.* Könelip başlan, sary gidip ugran. *Göwşülräk gyrmaköwşi,Ýagyş suwna ezilipdir* (K. Gurbannepesow).

**GÖWÜN**, *at.* Adamyň içki ruhy dünýäsi, içki duýgy, ýürek (göçme manysynda), köňül.

◊ **Göwne almak** aýdylan söz ýa-da edilýän hereket zerarly öýke etmek, gaty görmek, ýokuş görmek. **Göwne degmek** närazy etmek, öýkeletmek, gynandyrmak. **Göwne getirmezlik** *ser.* **Göwne almak**. *Meniň sözümi göwnüňe getiräýdiňmi?* (B. Seýtäkow). **Göwne jaý bolmak** kanagatlanarlyk halda, ýagdaýda bolmak, dogry tapylmak, makul bilinmek. **Göwne makul bolmak** *ser.* **Göwne jaý bolmak**. **Göwni bitgin** öz eden işinden ýa-da bolşundan göwnühoş, razy bolmak, öz hereketinden hoşal bolmak. **Göwni bitmek** birinden razy bolmak, hoşal bolmak, islegi kanagatlandyrylmak. *Sizden göwnüm bitdi* (N. Saryhanow). **Göwni bozuk** gaýgyly, gamgyn. **Göwni galmak** birinden bir iş üçin kine etmek, gaty görmek, närazy bolmak, öýke etmek. **Göwni ýetmek** oňat hasaplamak, gowy diýip tapmak, pisindiň oturmak, hoşal bolmak, kanagatlanmak. *Hanyň hem bagşysyna göwni ýetýär* (N. Saryhanow). **Göwnüne garalyk gitmek** bir zada müňkür, betgüman bolmak, şübhelenmek, ynamyň gaçmak. **Göwnüne garamak** ugruna kowmak, diýenini etmek, garşy gitmän, razy etmek. *Eje, ata-eneleriň maşgalanyň öz göwnüne-de garamaklary gerek ahyryn* (A. Gowşudow). **Göwnüňe gelenini etmek** öz islegiňçe hereket etmek, bir işi, meseläni geňeşmän, maslahatlaşman özüňçe çözmek. *Sen öz göwnüňe gelenini edip ýörme-de, kakaňa gulak as!* **Göwnüne gelmek** gorky, kine, öýke we ş.m. zatlar ýada düşmek, betgüman bolmak, iňkisli bolmak. **Göwnüne güman gitmek** *ser.* **Göwnüne garalyk gitmek**. **Göwnüni awlamak** biriniň göwnüni almak, göwnünden turmak, göwnüni hoş etmek. **Göwnüni görmek** *ser.* **Göwnüni awlamak**. **Göwnüni götermek** birini begendirmek, şatlandyrmak, ruhlandyrmak, ruhy taýdan galkyndyrmak. **Göwnüni ýykmak** halanmajak söz aýdyp ýa-da bolgusyz hereketiň bilen birini gaty gynandyrmak. **Göwnüň bozulmak** bir sebäbe görä gamgyn bolmak, ejizlemek, hamsykmak. *Ol geçmişini ýatlanda göwni bozulardy.* **Göwnüňe geňeşmek** bir işe başlamazdan öň pikir etmek, oýlanyp görmek, pikirlenmek, öz ýanyndan öz-özüňe sala salmak. *Toý etmek hakynda öz göwnüňe geňeşip gördüňmi?* **Göwnüň geçmek** biri ýa-da bir zat hakynda edýän tamaň çykmazlyk, tamaň puç bolmak. – *Şu haty Gözele ber diýdim welin, etmedi, şondan bäri Ogulbikeden göwnüm geçdi – diýdi* (A. Durdyýew). **Göwnüň gitmek** bir zada, birine gözüň gitmek, gowy görmek, meýil etmek. **Göwnüň göterilmek** şähdiň açylmak, keýpiň kökelmek, ruhlanmak. *Sergi zalyna gireniňde göwnüň göterilýär.* **Göwnüňi aldamak** özüňi hoşal etmek, ynandyrmak, bir işiň boljagyna umyt etmek. *Öz göwnüňi aldap ýörme, ýazan hatyň giçdir indi* (B. Hudaýnazarow). **Göwün açmak** gaýgy-gussany taşlamak, şatlanmak. *Ol hem ikiçäk gürleşmegiň, göwün açmagyň arzuwyndady* (G. Kulyýew). **Göwün bermek** halamak, sulhuň almak. **Göwün bölekçiligi bolmazlyk** bir perdeden gopmaklyk, bir pikirde durmaklyk. *Olaryň biri-birinden göwün bölekçiligi bolmandy*. **Göwün bölmek** öňki eden pikirinden, maksadyndan boýun gaçyrmak, wadasyndan dänmek. *Onuň aýdyp ugran habary onuň göwnüni böldi* (B. Seýtäkow). **Göwün döwülmek** ozal gowy aragatnaşykda bolan adamyňdan bir sebäbe görä gaty öýkelemek, juda gaty görmek, göwnüň galmak, göwnüň geçmek. **Göwün etmek** tama eden zadyň amala aşmansoň kine saklamak. **Göwün posuňy dökmek** ýüregindäki, göwnündäki hyýalyny, isleg-arzuwyny gowy görýän adamyň ýanynda aýtmak, içiňi dökmek. *Bütin gijäni*

*onuň bilen söhbet gurap, göwnüniň posuny dökerdi* (G. Kulyýew). **Göwün solpudan çykmak** keýpden çykmak, öz göwnüňe laýyk etmek, armandan çykmak, hezil edinmek. *Olar bilen degşip-gülşüp, göwün solpusyndan çykypdyrlar* (N.Pomma). **Göwün sowatmak 1)** gep berip, iki adamyň arasyny bozmak. **2)** işden we ş.m. zatlardan ýüz öwürmek. **3)** keýpden çykyp ynjalmak, içiňi sowatmak. **Göwün ýüwürtmek** köp zatlary hyýal etmek, arzuw etmek. *Ol göwün ýüwürdip gelşine wagtyhoşluk bilen ýuwaşja hiňlenýärdi* (G. Kulyýew). **Özi kül üstünde, göwni kap dagynda** özüniň ýagdaýynyň pesligini bilmän, amala aşyryp bilmejek zatlary barada hyýal edýän adam hakynda aýdylýar.

**GÖWÜNDEŞ** [göwünnöş], *syp.* Biri-biriniň göwnünden turýan, göwni bir, pikirdeş. *Ol Şiriniň hem özi bilen göwündeş gopjagyna şübhelenmeýärdi* (B. Pürliýew).

**GÖWÜN-ISLEG** [göw(ü)n-isleğ], *at.* Göwnüň isleýän zatlary, arzuw-hyýal. *Hekaýada adamlaryň göwün-islegleri çeper suratlandyrylýar.*

**GÖWÜNJEŇ** [göwünjöň], *at.* Bir zady ýerine ýetirmäge, bir ýere gitmäge ýa-da haýsydyr bir gymyldy-hereketi amala aşyrmaga ilgezik, örän islegli, meýilli, höwesek, döwtalap. *Onuň özi okamaga göwünjeňmikä?*

**GÖWÜNJEŇLIK** [göwünjöňlük], *at.* Bir zady ýerine ýetirmäge, bir ýere gitmäge ýa-da haýsydyr bir gymyldy-hereketi amala aşyrmaga ilgeziklik, örän isleglilik, meýillilik, höweseklik, döwtalaplyk. *Olar Aşyrmädiň pikirini göwünjeňlik bilen makullady* (B. Seýtäkow).

**GÖWÜN-KINE** [göwün-ki:ne], *at.* Bir zat sebäpli adamlar arasynda ýüze çykýan öýke-kine, närazylyk, göwün galma. *Bolmady olaryň mekir-hilesi, Ýokdy biri-birinden göwün-kinesi* (A. Kekilow).

◊ **Göwün-kine etmek** *ser*. **Göwün: göwün etmek**. *Ol menden göwün-kine etmesin.*

**GÖWÜNLI** [göwünlü], *syp.* Bir işi amal etmäge göwünjeň, bir zada meýilli, höwesli.

**GÖWÜNLI-GÖWÜNSIZ** [göwünlü-ğöwünsüz], *syp.* Çala göwünli, meýilsiz, höwessiz, iki göwünli, höwesek däl. *Ol göwünli-göwünsiz ädimläp ugrady.*

**GÖWÜNLIK** [göwünlük]: **göwünlik bermek** birini köşeşdirmek üçin hoşamaý söz aýtmak, teselli bermek, ruhy taýdan goldamak. – *Sende ýazyk ýok, oglum – diýip, Döwletmämmet molla ogluna göwünlik berdi* (T. Taganow).

**GÖWÜNSIZ** [göwünsüz], *syp.* Bir zady etmeklige göwünjeň, höwesli däl, meýilsiz, höwessiz. *Goja göwünsiz güldi-de, elindäki hasasyny ýere dürtdi* (B. Kerbabaýew).

**GÖWÜNSIZLIK** [göwünsüzlük], *at.* Göwünli dällik.

**GÖWÜS**, *at.***1**. Göwräniň boýun bilen garyn aralygyndaky bölegi, kükrek, döş, gursak. **2**. Aýal maşgalalaryň süýt inýän agzasy, emjek. **3**. *göç. m.* Bir ýeriň jümmüşi, merkezi, içi. *Giň meýdanyň göwsünde uly söweş başlandy* ("Görogly").

**GÖWÜSBENT** [göwüsvent], *at, zergärç. s.* Atlaryň göwsüne bezeg üçin dakylýan, ýüzüne kümüş çaýylan ýasy gaýyş. *Ýaýbaň göwsi kümüş göwüsbent bilen bezelen owadan bedewine böküp mündi* (G. Kulyýew).

**GÖWÜSLEK** [göwüslök], *syp.* Göwsi, döşi uly (at hem aýal maşgala hakynda). *Dik boýun, göwüslek at birinji bolup geldi*.

**GÖÝDÜK**, *syp.* **1**. Bedeni kadaly, sagdyn ösmedik, gowşak, keselli (adam, haýwan hakynda). **2**. Suwdan, dökünden we ş.m. zatlardan horluk çekip, boýuny alyp ösmedik (ösümlik hakynda). *Kelemler göýdük bolup otyr.*

**GÖÝDÜKDIRMEK** [göýdükdürmök], *işl.* Göýdük bolmaga sezewar etmek, göýdük etmek. *Çaganyň ugruna seretmän göýdükdiräýmäň*!

**GÖÝDÜKLIK** [göýdüklük], *at.* Göýdük ýagdaýda bolmaklyk.

**GÖÝDÜKMEK** [göýdükmök], *işl.* **1**. Näsaglygy zerarly ösmän göýdük bolmak, gowşak, keselli bolup ösmän galmak. **2**. Boýuny-inini alyp bilmän galmak, göýdük bolmak (ösümlik hakynda). *Sil gelendigi sebäpli, gowaça göýdügip otyrdy*.

**GÖÝELMEK** [göýölmök], *işl.* Mes erkegiň owsar ýüpi çekdirilip, duşalgy aýagyna daňylmak.

**GÖÝEMEK** [göýömök], *işl.* Mes erkegiň düýelere azar bermezligi üçin owsar ýüpüni pugta çekip duşalgy aýagyna daňmak. *Sürüdäki höwür erkegi göýediler.*

**GÖÝEŞMEK** [göýöşmök], *işl.* **1**. Göýemäge kömek etmek. **2**. Bilelikde göýemek. *Olar erkekleri göýeşip durdy.*

**GÖÝETMEK** [göýötmök], *işl.* Göýemek işini başga birine etdirmek.

**GÖÝÄ** [gö:ýä:], *hal.* Hamala diýersiň, edil, hamala, misli. *Ene göýä ogluny beladan goramak isleýän ýaly ony özüne çekdi*.

**GÖÝÄKI** [gö:ýä:ki], *hal, ser.* **Göýä**. *Perizatlar gezer her ýan, Göýäki hüýr bilen gulman* ("Görogly").

**GÖÝI** [göýü], *at.* Uguň egninden aýlanyp daňylýan ýüp, uk ýüpi.

**GÖÝMEK** [göýmök], işl. Boý alyp bilmezlik, ösmezlik.

**GÖÝÜL**, *at.* Tegelek ýaprakly, çybygy tikenli, ýere ýazylyp ösýän köp ýyllyk ösümlik.

**GÖÝÜNMEK** [göýünmök], *işl.* Bir zady görüp janyň ýanmak, köýüp-bişmek, çendenaşa gynanmak. *Görme-de, göýünme-de* (Atalar sözi).

**GÖZ**, *at.* **1**. Görüş agzasy we görejiň özi, garak. **2**. Agajyň ösmän galan ýa-da kesilen şahasynda galan ösüntgi yzy. *Timarlaýan pürsümiziň gözi kän eken*. **3**. Iňňä we ş.m. sapak ötürilýän deşik. *Bu eriş temeniň gözünden geçmez.* **4**. Tüpeňiň ok salynýan ýeri. **5**. Daglyk ýerlerde suwuň çykýan ýeri, çeşmäniň gözbaşy. *Çeşmäniň gözi gömlüpdir*. **6**. Penjiräniň, äýnegiň aýna salynýan bölegi. *Äpişgäniň gözi. Äýnegiň gözi.* **7**. Horjunyň zat salynýan ýeri, stoluň çekeri, tahyly we ş.m. *Ol dulda duran çuwaldan iki çanak un alyp, horjunynyň çep gözüne gapgardy* (G. Kulyýew).

◊ **Göz açmak** deşik açylmak. *Çyban göz açansoň, ýaranyň azary gowşady.* **Göz açyp-ýumasy salym** tiz wagtyň içinde, derrew, sähelçe wagtyň dowamynda. **Göz agyrysy ýaly bolup** islenmedik ýere barmak, gerek däl ýere sokjarylyp gelmek, halanmaýan ýeriňde görünmek. *Göz agyrysy ýaly bolup, eýýäm gelipdir.* **Göz alartmak** gaharly seretmek, gözüň bilen gorkuzjak bolmak. **Göz astyna almak** nähili adamdygyny bilmek üçin kesesinden syn etmek, synlamak. **Göz astyndan** hiç kime bildirmän, assyrynlyk bilen seretmek. **Göz astyndan seretmek** bir zada assyrynlyk bilen ogrynça bakmak, garamak, äňetmek, esetmek. *Aýmyrat oňa göz astyndan seredip ýylgyrdy.* **Göz aýlamak 1)** daş-töweregiňe seretmek, göz gezdirmek, garamak, äňetmek, esetmek. **2)** biriniň ýa-da bir zadyň aladasyny etmek, birine hossarlyk etmek, hemaýat, goldaw bermek. **Göz baglanmak** garaňky düşmek, garaňky gatlyşmak. *Daýhanlar göz baglanýança işlediler*. **Göz bilen gaşyň arasynda** kynçylykly ýagdaýyň ýüze çykmasy aňsat, bolary ýakyn. *Emgek göz bilen gaş arasynda* (Atalar sözi). **Göz boýamak** aldamak üçin emel, hile etmek, galplyk etmek. **Göz çaky** göz çeni, göz ölçegi, çen, çak. **Göz degmek** öňden gelýän yrym-ynançlara görä, gowy zada mähir bilen seredilende, geň görüp seredilende, öňküsinden ýaramazlaşmak, öňki ýagdaýyndan peselmek, erbet bolmak. *– Bu sapar biziň atymyza göz degdi, ýogsa heý düz ýerde-de at büdräp agsarmy?– diýdi* (A. Gowşudow). **Göz delmirtmek** naýynjar halda seretmek. **Gözden, dilden saklasyn**! şowly, oňat bir zada, ýagdaýa, görnüşe we ş.m. kesekiniň gözüniň degmeginden, diliniň ýetmeginden ″Hudaý gorasyn″ diýen manyda ulanylýan aňlatma. **Gözden düşmek** halys özüňi ýigrendirmek, abraýdan gaçmak, ryswa bolmak. **Gözden gaýyp bolmak** gözden ýitmek, görünmez ýaly bolmak. **Gözden geçiriliş** sungat, çeperçilik ussatlygy we ş.m. boýunça çykyş edip, synagdan geçiş, sungatda hasabat beriş. **Gözden geçirmek** birin-birin seredişdirip çykmak, dogry ýa nädogrudygyny barlamak; synlamak. *Sekiniň üstünde oturanlar başdan-aýak seredip, sazandany gözden geçirdiler* (N. Saryhanow). **Gözden ot çykmak** güýçli degen urgy we ş.m. zerarly gözüň öňi ýaldyrap gitmek. **Gözden salmazlyk** biriniň ýa bir zadyň aladasyny etmek, oňa garaşyk etmek, ýardam bermek, ondan habar tutup durmak, ony goldamak, unutmazlyk. **Gözden sypmak** gözden ýitmek, ýitirim bolmak, ünsden düşmek. **Gözden uçmak** köp wagtlap görülmedik adam, barlyp görülmedik oba-şäher, bir wagtlar iýlen, içilen zatlaryň ýatdan çykyp gitmegi. *Gaňsyrawugyňy kükedýän düýe çaly meniň-ä gözümden uçupdyr.* **Gözden ýitmek** göz görerden uzaga gitmek, göz ýeterden uzaklaşmak, ýitirim bolmak. *Olar kem-kemden yzda galdylar-da, salgyma çümüp, gözden ýitdiler* (R. Gelenow). **Göz dikmek 1)** bir zada çiňerilip, gözüňi aýyrman seretmek, siňe seretmek, nazaryňy dikmek. **2)** biriniň gelerine sabyrsyzlyk bilen garaşmak, geler diýip ymtylmak, intizar bolmak. **3)** bir zady almagyň kül-külüne düşmek, bir zady eýelemäge ymtylmak. **Göze çöp atmak** aldawa salmak, aldamak. **Göze dürtme 1**) mese-mälim, göz-görtele, bassyr-bussursyz. *Onuň niýeti bize mälim, hereketi göni göze dürtme* (B. Kerbabaýew). **2**) gaty garaňky, bir ädim öň ýanyň görünmeýän garaňkylyk. *Göze dürtme garaňkyda ýoluňy görmek kyndy*. **Göze dürtülip durmak** görnüp durmak, mese-mälim bolup durmak. **Göze garasuw inmek** gözüň garasuw keseli bilen kesellemegi. **Göze gelüwli** gelşikli, görmegeý. *Göze gelüwli gelin.* **Göze görnen** kämillik ýaşyna golaýlap, ýetişip ugran (diňe gyz hakynda; öten zaman ortak işliginiň goşulmasy goşulyp ulanylýar). *Göze görnen gyzy bolsa, hantamadyr her ýeten* (Kemine). **Göze gubar inmek** halys garrap, gözüň yşygy öçmek, görmekden galmak. **Göze güýdüşmek** duýdurman, bildirmän, görkezmän bir iş, hereket etmek, göze çöp atmak. **Göze ilginç 1)** göze dürtülip, mesaňa bolup duran, göze görnüp, saýlanyp duran (zat hakynda). **2)** hereketi, daş görnüşi boýunça beýlekilerden tapawutlanýan (adam hakynda**)**. **Göze ilmek** göze görünmek, göze kaklyşmak. **Göze kaklyşmak** *ser.* **Göze ilmek**. **Göze sürme etmek** gadyryny, gymmatyny bilmek, gowy görmek, iň arzyly zat hasaplamak. **Göz etmek 1)** göz-gulak bolmak, seretmek. *Özüň içe-rik-daşaryk göz edersiň-dä?!* **2)** bir zady birine güjeňlemek, mazamlamak. *Ol ile göz etmek üçin her gün iň gowy eşiklerini geýip, ýola çykardy*. **Göze yssy görünmek** göze ýakymly, mähirli, gowy görünmek. *Ýaşlykda bile tirkeşen ýoldaşlary gözüne aýratyn yssy görnerdi*. **Göze ýakymly** bir zat göwnüňe ýaraýan. *Asylgy duran köýnekleriň haýsy biri göze ýakymly?* **Göz gamaşdyryjy** owadanlygyndan ýaldyrap öwşün atýan. **Göz gamaşmak** ýiti ýagta we ş.m. zatlara gözüň bulaşyp, zat saýgarmazlyk, hiç zat görüp bilmezlik. **Göz**

**gatyrmak** bir hereketi kynlyk bilen ýerine ýetirip bilmek. *"Toýa-da göz gatyryp geläýdim" diýip, togsana golaýlan garry ene hasasyna daýanyp, jaýlaşykly oturara ýer gözledi*. **Göz gezdirmek 1)** *ser.* **Göz aýlamak**. **2)** bir ýazga, hata we ş.m. ýüzleý seredip çykmak. **Göz görkezmek 1)** üýtgeşik, täsin iş edip, özüňi tanatmak, özüňi görkezmek, haýran galdyrmak, aňk etmek, güýjüňi görkezmek. **Göz güldürmek (göz oýnatmak)** şatlygyňy, begenjiňi göz arkaly aňlatmak, birine mylakatly garamak. *Ol owadan gözlerini güldürip ýylgyrdy*. **Göz gypmak (gyrpmak)** bir gözüňi çalt ýumup açmak bilen yşarat etmek, duýduryş bermek. **Göz gyzdyrmak** hak-u-nähak bir zady almaga, edinmäge meýil etmek. *Kişi zadyna göz gyzdyrmak ýaramaz gylykdyr.* **Gözi açylmak 1)** görüp başlamak. *Kaka, kiçijik güjügimiziň gözi açylaýypdyr!* **2)** bir zada bolan höwesi artmak, göhi gelmek, keýpi tutmak. *Ýagly gapyrganyň adyny eşitse, onuň gözi açylýar* ("Görogly"). **3)** öň düşünmeýän zadyna göz ýetirmek, düşünmek; sowatly bolmak, düşünjesi artmak. **Gözi açylmazlyk** gutulmazlyk, saplanmazlyk, dynmazlyk. *Dümewden gözüm açylmady* (K. Berdiýew).**Gözi gara düşmek 1)** daş-töweregindäki zatlary görüp, saýgaryp başlamak (ýaş çaga hakynda). *Gaýyn enesi gelnine: "Suw ýaly çagaňy öýden çykaryjy bolmagyn, etigip, gözi gara düşýänçä känbir gezdirmäweri" diýdi.* **2)** durmuşa, ýaşaýyş düzgünlerine düşünip başlamak, kämilleşmek (ýaş ýetginjek hakynda). **Gözi bagly** medeniýetden yza galan, sowatsyz, nadan. *Gözüm bagly ekeni, indi hemme zada düşünýän.* **Gözi bilen iýäýjek bolmak 1)** gaharly siňe seretmek, ýigrenç bilen seretmek. *Meni gördügi, gözi bilen iýäýjek bolýar*. **2)** birine ýa-da bir zada siňe seretmek, üns bilen seredip durmak, gözi içiňden geçmek. **Gözi dokunmak** bol-elin zady, bolçulygy ýa başga göze doly zady görüp kanagatlanmak. *Pagtadan alnan bol hasyly göreniňde, adamyň gözi dokunýar*. **Gözi düşmek** görmek, göze ilmek. *Märekäniň içinde birden dostuma gözüm düşdi*. **Gözi, gaşy çekip durmazlyk** birini göresiň gelmezlik, görmek islemezlik. *Ol ýere gidip näme işim bar, gözi, gaşy çekip duran barmy?* **Gözi gatyny görmek** horlugy, kynçylygy görmek, jepa çekmek. **Gözi gitmek 1**) kesel sebäpli gözi görmekden galmak. **2**) gowy zady, adamy ýa-da biriniň görelde bolarlyk hereketini, bolşuny we ş.m. görüp, öz ýanyndan kemsinmek. *Dostunyň iňlisçe gepleýşine onuň gözi gidýärdi*. **Gözi gorkan ýeri bar bolmak** birinden ýa-da bir zatdan gaty gorkmak. *Elbetde, gözi gorkan ýeri bardyr-da, öňünden it çyksa, ugry gaçardy*. **Gözi gülüp durmak** özüni örän şadyýan alyp barmak, şadyýanlygy hemişe ýüzüne çykyp durmak. *Ol gaty ýeser görünýär, haçan görseň gözi gülüp durandyr*. **Gözi gyýmazlyk** birine dözmezlik, ýüregi awamaklyk, rehimi inmeklik. *Gözüm gyýmaz oýarmaga, näzli ýarym, oýan indi* (Halk aýdymlaryndan). **Gözi gyzarmak** maddy üpjünçiligi we ş.m. göterinmän, azgynçylyk etmek, azmak, mesirgemek. **Gözi içiňden geçip barmak** ýiti-ýiti seretmek, gözi bilen iýäýjek bolmak. *Onuň gözi içiňden geçip barýar.* **Gözi içine gitmek** gaty horlanmak. *Ol çöp ýaly bolup, gözleri içine gidipdi* (B. Seýtäkow). **Gözi ýanyp durmak** gözünde dogumlylyk, gujurlylyk alamaty görünmek. *Ol gözi ýanyp duran dogumly ýigitdi*. **Gözi ýer görmezlik** özüni hondanbärsi saýyp, adam tanamazlyk, özüňi ulumsy tutmak, gedemlik etmek. *Gözi ýer görmän, özüne, atyna göwni ýetip we atyny ykjam sürüp gelýän ýigit gyzy gören badyna, gara dere batyp barýar* ("Görogly"). **Gözi ýetmek** *ser.* **Göz ýetirmek**. *Bu öýe özüniň yzyndan hiç kimiň gelmejegine gözi ýetýärdi* (B. Seýtäkow). **Gözi ýolda galmak** biriniň gelerine köp wagtlap garaşmak, iki gözi ýolda galmak. *Ejesine garaşyp, onuň gözi ýolda galdy.* **Göz monjugy** *ser.* **Monjuk**. **Göz monjugy ýaly** *ser.* **Monjuk**. **Göz oýnaklatmak** gözüni hereketlendirip, näz-kereşme etmek. **Göz öňünden geçmek** öň bir gören zadyň, wakaň we ş.m. zatlar birin-birin ýadyňa düşüp, göz öňüne gelmek. **Göz öňünde tutmak** bir işi amala aşyrmagy maksat edinmek, nazarda tutmak, durmuşa geçirmegi niýet edinmek. **Göz öňüne gelmek** *ser.* **Göz öňünden geçmek**. *Soltanjygyň aýdanlaryndan Şiriniň başyna düşen günleriň bary mugallymyň göz öňüne geldi* (N. Saryhanow). **Gözsüz batyr** soňuny saýmaýan, özüni oda-suwa urmaga, janyny gurban etmäge taýyn (adam). **Göz ümlemek** gözüň bilen yşarat etmek, üm bilen duýdurmak, gözüň hereketi bilen birini ýa bir zady görkezmek. **Gözüm üstüne** baş üstüne, lepbeý. *Gözüm üstüne, näme işiň bolsa buýruber!* **Gözünde juwaz aýlamak** agladyp, gözýaş dökdürmek, heläk etmek. *Şu ýaramaz gylygyňy goýmasaň, gözüňde juwaz aýlaryn*. **Gözünde ot ýakmak** sütem, zulum edip horlamak, azap berip gynamak, ejir çekdirmek. **Gözüne basmak** biriniň islegine garşy gidip, erk-ygtyýaryna garaman hereket etmek, bir işi amala aşyrmak. *Oglum, baýraklaryny gözlerine basyp aldyň!* ("Görogly"). **Gözüne görkezmek 1)** öz başarjaňlygyň bilen hereketi bütinleý üýtgetmek, gutarnykly subut etmek, göwnünde çiglik galmaz ýaly etmek. **2)** birine bir hata, ýalňyşlyk, nädogry edilen iş üçin temmi bermek, çäre görmek, ikinji gezek gaýtalamaz ýaly etmek. *Ogurlygyň nämedigini häzir men seniň gözüňe görkezerin*. **Gözüne gül salmak** bir zadyň hötdesinden gelmek, doly başarmak, hek etmek. **Gözüne güýdüşmek** *ser.* **Göze güýdüşmek**. **Gözüni açyp gitmek** durmuşyndan närazy bolup jan bermek, ölmek. **Gözüni açyp göreni** eneden

dogaly bäri, özüni bilip ugraly bäri, bar bilýän zady. *Onuň gözüni açyp göreni zähmet çekmek boldy.* **Gözüni almak** gözüne degip, kör etmek. *Peýkam aldy çep gözüni, Kör arçyndy soňky ady* (Ç. Aşyr). **Gözüni aýyrmazlyk** birsyhly seredip oturmak, nazaryndan sypdyrmazlyk. **Gözüni baglamak 1)** aldap nadanlykda saklamak, nadanlyga sezewar etmek. **2)** dürli usullar bilen birini erbet ýagdaýa salmak, pyrryldak etmek, aldamak. **Gözüni-başyny aýlamak** aldap bir zada razy etmek. *Gyzyň gözüni-başyny aýlap, ony halamaýan ýigidine durmuşa çykmaga razy etjek boldular.* **Gözüni çykarmak** öte gitmek, çenden aşmak, hetdiňi bilmezlik. **Gözüni gögertmek** görgi baryny görkezmek, gaty horlamak. **Gözüniň oduny almak** urup, sögüp ýa-da başga bir zat edip, hemişe gorkup durar ýaly etmek, heder eder ýaly temmi bermek. **Gözüniň ýaşyny kepdirmezlik** hemişe aglamaga mejbur etmek, agladyp ýörmek. **Gözüni oýmak** gözüni çykarmak, iň erbet jeza sezewar etmek. – *Haw tagsyr, meniň gözümi oýduň, oglumy öldürdiň, meniň senden soňky dilegim – şu gysragy senden dileýän – diýdi* ("Görogly"). **Gözüni ýeňsesinden çekmek** berk jeza bermek. **Gözüňi açyp gitmek** öňüňde goýan maksadyňa, arzuwyňa, niýetiňe ýetmän, armanly ölmek, ahmyrly dünýäden ötmek. **Gözüň agarmak** zulum, horluk görmek, ýaramaz durmuş zerarly gaty horlanmak. **Gözüň agyny köpeltmek** *ser.* **Gözüňi alartmak**. **Gözüň aksyn**! "Kör bol, janyň çyksyn" diýen manyda aýdylýan sögünç, gargyş. *Ylgama diýsem etmän ýykyldyň, gözüň aksyn!* **Gözüň ak ýagyny iýdirmek** birini hiç bir kemini goýman ekläp-saklamak, birkemsiz ösdürip ýetişdirmek. *Saňa çagalykdan enesiz-atasyz diýdirmedim, gözümiň ak ýagyny iýdirdim. Indiki bolup ýörşüň şonuň sag bolsunymy?* **Gözüniň alnynda** biriniň göni ýanynda, görüp durka. *Gözümiň alnynda ýalan sözlemäň näme?* **Gözüň awusyny almak** az salym ýatyp turmak, azajyk irkilmek. **Gözüň aýdyň**! begençli waka gutlanyp aýdylýan alkyş sözi. **Gözüň bürlüp barmak** ukyň tutup başlamak, ýatasyň gelmek. – *Men-ä ýatjak, gözüm bürlüp barýar.* **Gözüň çekmek** gözüň gabagynyň bir nerw damarjygy tirpildemek. *Asyl şu gün, bütin gün, gözüm çekdi durdy* (H. Ysmaýylow). **Gözüňde bolsun** gözlenýän zadyň gözleginde bol, bir zadyň bardygyndan, ýokdugyndan habarly bol, gözleg-ideg et. **Gözüňden uçmak** köp wagt bäri görülmänsoň, ýatdan çykyp gitmek (köplenç, iýilýän, içilýän zatlar hakynda). *Garpyz toşaby dagy gözümizden uçupdyr, dadyp gören wagtym ýadymyzdan çykypdyr.* **Gözüňde okuň bolsa urmak (atmak)** eliňden gelse, zyýan ýetirmek, ýeri gelende zelel etmek, birini ýigrenmek. **Gözüň dokunmak** seredip duran zadyň gowulygyna, gabarasyna, görk-görmegine synyň oturmak, haýran galmak. **Gözüň doýmazlyk** gara nebsiňe "haý" diýip bilmezlik. *Onuň garny doýsa-da, gözi doýanok*. **Gözüň dumanlamak** *ser*. **Gözüň ümezlemek**. **Gözüňe degmek** tüýs jaý ýerinde kömege ýetişmek, gerekli ýerinde goldaw, goltgy bolmak. *Gitmeli ýerime ulag tapylaýsa, häzir gözüme degjek-dä!* **Gözüňe döneýin! 1)** biri gowy görlende, "ezizim, mähribanym, gadyrdanym" ýaly manylarda ulanylýan söz düzümi. **2)** birinden bir zat mylakatlylyk bilen haýyş edilip aýdylýan söz düzümi. *Gözüňe döneýin, Myrat, beýle zatlary hudaý size görkezmesin*. **Gözüňe gelmezlik** biriniň bolşy, gylyk-häsiýeti ýaramazlyk, özüni alyp barşy ýigrenilmek. *Nähili adamdygyny bilemsoň, ol hiç wagt gözüme gelenok.* **Gözüňe görünmek** psihiki näsazlyk netijesinde ýok zatlar bar ýaly bolup görünmek. **Gözüň gaçyp barmak** kelläň gaty agyryp, gözüňe güýçli täsir etmek. *Gözüm gaçyp barýar, men-ä işe ýaramok.* **Gözüň ganmak** bir zady köp gezek görmek, doýa-gana synlamak, göre-göre doýmak. *Şol zeýilli suratlardan ozalam köp gezek gözüm gandy*. **Gözüň garaňkyramak** ysgynsyzlyk we ş.m. zerarly essiň aýylyp, başyň aýlanyp, gözüň zat görmän başlamak. **Gözüň-gaşyň çekip durmazlyk** birini göresiň gelmezlik. *Ony gözüm-gaşym çekip duranok, şonsuzam aladam ýetik.* **Gözüň gitmek** bir gowy zada gözüň düşüp, özümde-de şol zat bolaýsady diýen duýgy döremek. **Gözüň gyýmazlyk** dözmezçilik etmek, dözmezlik.**Gözüňi agdaryp ýatmak** huşdan gitmek, çaşmak, essiň aýylmak. *Ol erikden ýykylyp, ep-esli wagt gözüni agdaryp ýatdy.* **Gözüňi akjartmak** gözüň agyny köpeldip, gözüňi alartmak, hyýrsyz garamak. *Däli gözüni akjardyp seretdi*. **Gözüňi germek** gözüňi giňden açyp, oňa agram bermek, zor bermek. – *Gyzym, Bahar, biz bu halylaryň üstünde gözümizi gerip dümtünýäris* (A. Gowşudow). **Gözüňi gögertmek** mejalsyz, kişi kömegine mätäç bolmak, ile günüň galmak. *Gözüni gögerdip, gapa seretdi* (N. Saryhanow). **Gözüňi jüýjertmek** uklaman, gözüňi açyp ýatmak, oturmak. *Gözüňi jüýjerdip ýatyrmyň?* **Gözüňi sykyp oturmak (durmak)** ejizläp göz ýaş etmek, aglamak. *Çaga ýaly bolup, gözüňi sykyp oturma-da, derrew işiň bilen bol* (B. Seýtäkow). **Gözüňi tutmak** özüňe edilen ýagşylyklary ýatdan çykarsaň, haklamasaň, soňy erbetlik bilen gutarmak. *Gitseň, git, meniň emdiren ak süýdüm seniň gözüňi tutar.* **Gözüňi ýandak bilen süpürmek** rehimiň gelmezlik, rehim-şepagat, dözümsizlik etmezlik. **Gözüň köküni gyrmak** bir zada yzygiderli meşgullanyp, gözüňi ýadatmak, inçe iş edip, gözüňe agram salmak. **Gözüň suw içmezlik** edilýän işden we ş.m. zatlardan razy, hoşal bolmazlyk, edilýän hereket göwnüňe ýakmazlyk, bolýan zada pisindiň oturmazlyk. **Gözüň**

**ýerine gelmek** dynç alyp, naharlanmak netijesinde öňki katdyna gelmek, kuwwatlanmak, ysgyna gelmek. *Teýli nahardan soň gözi ýerine geldi*. **Gözüň ýetik bolmak** bir zada pugta belet bolmak, gowy bilmek. **Göz ýetirmek** bir zadyň anygyna ýetmek, änigine-şänigine ýetmek; anyklamak, oňat düşünmek. **Göz ýummak** görmezlige salmak, görmedik bolmak. **Göz ýumup geçmek** *ser.* **Göz ýummak**. *Nädogry iş edilse, göz ýumup geçmek bolmaz.* **Hak gözünden eşitmek** bir habary hakyky bilýänden, ynamdar adamdan, gözi bilen görenden eşidip bilmek. – *Men muny hak gözünden eşitdim – diýip, Pirguly beg ýan bermedi* (A. Gowşudow).

**GÖZARA** [göza:ra], *at.* **1**. Agyldaky mallar kellesini çykaryp ot, iým we ş.m. iýer ýaly onuň diwarynda goýulýan deşik. *Iki sany goýun gözaradan boýnuny uzadyp, tirt iýýärdi.* **2**. Galalaryň burçundaky diňlerde ok atmak üçin goýulýan deşik. *Gözaradakylar her atlyny aýratynlykda saýgaryp başladylar* (B. Seýtäkow).

**GÖZBAGÇY** [gözva:ğçy], *at.* Çalasyn hereketler, dürli hileler bilen adamy aldawa salýan, gözüni baglaýan adam.

**GÖZBAGÇYLYK** [gözva:ğçylyk], *at.* Gözbagçynyň käri.

**GÖZBAŞ** [gözvaş], *at.* **1**. Suwuň, çeşmäniň başlanýan ýeri, akar suwuň çykýan ýeri. *Derýanyň gözbaşy.* **2**. *göç.m.* Bir zadyň başlanýan ýeri, başlangyjy.

**GÖZBOÝAGÇY** [gözvoýoğçy], *at, gepl. d.* Aldawçy, ýalançy, mekir, kezzap.

**GÖZBOÝAGÇYLYK** [gözvoýoğçuluk], *at.* Aldaw bilen meşgullanmaklyk, ýalançylyk, kezzapçylyk, galplyk bilen edilýän hereketler.

**GÖZÇI** [gözçü], *at, kön.s.* Gözegçi. *Gözçi gözledi, gördi* ("Kitaby dädem Gorkut").

**GÖZÇYKGYNÇ**, *syp.* Ile sygmaýan, ilden çykgynç, hiç bir heňe, kada-kanuna dogry gelmeýän (iş, hereket we ş.m. hakynda).

**GÖZDAŇDY** [gözzaňdy], *at.* Eşekçiniň gözüni ýaglyk bilen daňyp oýnalýan çaga oýny. *Gözdaňdy oýnaýan çagalar eşekçiniň bir sagyna, bir soluna aýlanýardylar.*

**GÖZ-DIL** [göz-zil]: **göz-dil bolmak** öňden gelýän yryma görä: göz degmek (*ser*. **Göz: göz degmek**).**Göz-dil monjugy** göz degmezligi üçin boýna dakylýan, diwardan asylýan ýaşylymtyl-gök reňkli monjuk, göz monjugy.

**GÖZE-BAŞA: göze-başa düşmek** suwumsyzlyk, açgözlük edip, özüňi ýigrendirmek, betnebislik etmek.

**GÖZEDÜRTME** [gözedürtmö], *at.* Çakdanaşa garaňky, tüm, hiç zat seljerip bolmaýan garaňkylyk (*ser*. **Göz**: **göze dürtme**). *Gije sowukdy, gözedürtme garaňkydy* ("Edebiýat we sungat").

**GÖZEG** [gözöğ] **I**, *at.* Çuwal, horjun we ş.m. gabyň agzyny ýüp bilen gözemek üçin edilýän halkajyklar. *Çuwalyň gözegleri ýolnup ugrapdyr.*

**GÖZEG** [gözöğ] **II**, *at, gepl. d., ser.* **Gözleg 1**.

**GÖZEGÇI** [gözöğçü] **I**, *at.* Gözegçilik edýän, esewan bolýan, seredýän adam. *Her oýunçynyň özüniň gözegçisi bolýar*.

**GÖZEGÇI** [gözöğçü] **II**, *at.* Gözemek işini ýerine ýetirýän adam.

**GÖZEGÇILIK** [gözöğçülük], *at.* Göz-gulak bolmaklyk, esewan bolmaklyk, seretmeklik.

**GÖZEGSIZ** [gözöğsüz] **I**, *syp.* Gözegi bolmadyk, gözeg edilmedik, gözelmedik. *Içi däneden doly gözegsiz çuwal jaýyň burçunda durdy.*

**GÖZEGSIZ** [gözöğsüz] **II**, *syp.* Gözegçilik edilmeýän, hiç hili gözegçiligi bolmadyk, göz-gulak bolunmadyk, esewan edilmedik. *Ol günleriň birinde peji gözegsiz taşlap gidipdir.*

**GÖZEL** [gözöl], *syp.* **1**. Owadan, görmegeý, gelşikli. *Gözel gyz.* **2**. Ajaýyp, ajap, örän oňat. *Şäher öňküsindenem gözel görnüşe girdi* ("Edebiýat we sungat"). **3**. *göç.m.* Aýal, gyz maşgala, zenan. *Gözel alsaň aryflara gulak goý, Syratyn sözleýir ýagşy syn bilen* (Magtymguly). **4**. Gyza dakylýan at.

◊ **Gözel göwnüň!** öz isläniňi et, erk-ygtyýar özüňde. *Maňa ýoldaş bolup bilmejek bolsaň, onda näme, gözel göwnüň, men-ä gitdim*.

**GÖZELEK** [gözölök]: **gara gözelek** owadan gara gözli, enaýyja gözli. *Ynha, gözleri oýnaklap duran bir gara gözelek gyz*.

**GÖZELGI** [gözölğü], *syp.* Çuwaldyr horjunyň we ş.m. agzy ýüp bilen gözelen.

**GÖZELLENDIRMEK** [gözöllönnürmök], *işl.* Öňküden gözel etmek, has gözel görnüşe getirmek. *Jaýy gözellendirýän zat onuň soňky bezegleridir*.

**GÖZELLENMEK** [gözöllönmök], *işl., ser.* **Gözelleşmek**. *Güneşli paýtagtymyz günsaýyn gözellenýär* ("Edebiýat we sungat").

**GÖZELLEŞDIRMEK** [gözöllöşdürmök], *işl.* Gözel görnüşe getirmek, gözel, owadan bolmagyny üpjün etmek, görk bermek.

**GÖZELLEŞMEK** [gözöllöşmök], *işl.* Kem-kemden gözel bolmak, dura-bara gözel görke girmek, gözellenmek, owadanlaşmak.

**GÖZELLIK** [gözöllük], *at.* Gözele has bolan görmegeýlik, owadanlyk.

**GÖZELMEK** [gözölmök], *işl.* Doly gabyň agzyndaky gözeglerinden atanaklaýyn ýüp geçirilip daňylmak.

**GÖZEME** [gözömö], *iş ady.* Gözemek ýagdaýy, derejesi.

**GÖZEMEK** [gözömök], *işl.* Çuwalyň, horjunyň, ganaryň we ş.m. gaplaryň içine salnan zatlar dökülmez ýaly gözeglerinden atanaklaýyn ýüp geçirip daňmak.

**GÖZEMEKLIK** [gözömöklük], *iş ady.* Gözemek usuly.

**GÖZENEK** [gözönök], *at.* **1**. Atanaklaýyn görnüşde edilen germew, penjiräniň daş ýa iç ýüzünden goýulýan, ýogyn simden edilen gorag. *Ol gözenekden seretdi* (B. Seýtäkow). *Men penjiräme gözenek ýasatdym.* **2**. Ak öýleriň täriminiň ara deşikleri. *Ol öýüň gözeneginden içerik seretdi.* **3**. El işlerine atanaklaýyn salynýan öýjük-öýjük görnüşli nagyş. **4**. *göç. m.*, *gepl.d.* Türme, tussaghana.

**GÖZEÝIŞ** [gözöýüş], *iş ady.* Gözemek ýagdaýy.

◊ **Gözenekden garatmak** türmä basdyrmak, tussag etdirmek.

**GÖZEŞDIRMEK** [gözöşdürmök], *işl.* Ählisini gözemek, gözäp çykmak.

**GÖZEŞMEK** [gözöşmök], *işl.* **1**. Gözemäge kömek etmek. *Ol maňa doly ganarlary gözeşdi.* **2**. Bilelikde gözemek. *Adamlar içi bugdaýly çuwallary gözeşip durdular*.

**GÖZETÇI** [gözötçü], *at,gepl. d., ser.* **Gözegçi**. *Seýtek gyrmany bagy – Serçemene gözetçi goýdy* ("Görogly"). *Her bir işde özüň gözetçi bolmasaň bolmaýar* (A. Gowşudow).

**GÖZET** [gözöt], *at, gepl. d.* Görnüp duran ýer, öňi, öň ýany, garşysy. *Aty jaýyň gözedinde daňaý.*

**GÖZETÇILIK** [gözötçülük], *at, gepl. d., ser.* **Gözegçilik**. *Üzüm agaçlaryna we başga baglara suw tutulyşyna her gün Hoşgeldiniň özi gözetçilik edýär* (A. Gowşudow).

**GÖZETDIRMEK** [gözötdürmök], *işl.*, *ser.* **Gözetmek**.

**GÖZETLEMEK** [gözötlömök], *işl.*, *gepl.d.* **1**. Gözegçilik etmek, esewan bolmak. **2**. Garaşmak, biriniň ýoluna göz dikmek.

**GÖZETMEK** [gözötmök], *işl.* Gözemek işini başga birine etdirmek. *Kakam bugdaýly çuwallary maňa gözetdi.*

**GÖZ-GAŞ** [gözğa:ş], *at*. Çaga, garra, ýaraman ýatan adama edilýän garaşyk, ideg. *Çaga hemişe göz-gaş edip durmasaň bolýarmy näme?!*

**GÖZGI** [gözğü], *at, kön.s.* Ýüz görülýän aýna. *Köňül gözgüsine ýaryň adyny, Suratkeşlik edip çyzmaly boldum* (Magtymguly).

**GÖZ-GÖRTELE** [göz-ğörtölö], *hal.* Aç-açan, görnüp durka, mese-mälim, görnetin. *Ol göz-görtele ýalan sözleýär*.

**GÖZ-GULAK** [göz-ğulok]: **göz-gulak bolmak** **1)** bir zatdan habardar bolmak, esewan bolmak, seretmek. **2)** biriniň halyndan habar alyp durmak, gözden salman, ugruna seretmek, idemek. *Lukmanlar maňa göz-gulak bolup ugradylar*.

**GÖZ-GÜLBAN** [göz-ğülva:n], *syp.* **1**. Eleşan, betnyşan, sallam-sajak. **2**. Wejera; masgara. *Beýdip göz-gülban bolup durmak gelşiklimi beri?*

**GÖZ-GÜLBANLYK** [göz-ğülva:nlyk], *at.* **1**. Eleşanlyk, betnyşanlyk. **2**. Wejeralyk, masgaralyk.

**GÖZGYNY** [gözğy:ny], *syp.* Agyr, kynçylykly, horlukly, güzaply; naýynjar.

**GÖZGYNYÇYLYK** [gözğy:nyçylyk], *at, ser.* **Gözgynylyk**.

**GÖZGYNYLYK** [gözğy:nylyk], *at.* Gözgyny ýagdaýda bolmaklyk, güzapçylyk, naýynjarlyk. *Onuň gözgynylyk bilen gepleýşine nebsi agyrdy* (B. Pürliýew).

**GÖZLEG** [gözlöğ], *at.* **1**. Birini, bir zady tapmak üçin edilýän agtaryş. **2**. Barlag, agtarma, gazuw-agtaryş işleri. *Arheologik gözleg işleriniň netijesinde ýadygärlikleriň barlygy ýüze çykaryldy* ("Mugallymlar gazeti"). **3**. *göç.m.* Biriniň gözleýän, göwnüniň küýseýän zady. *Näçe ýalpyldatsaň, mis ýene misdir, Ýüregi garanyň gözlegi pisdir* (M. Seýidow).

**GÖZLEGÇI** [gözlöğçü], *at.* **1**. Agtaryjy, yzlaýjy, birini ýa-da bir zady ideýji. **2**. Barlag, gözleg-agtaryş işleri bilen meşgullanýan adam. *Gözlegçiler aşmasy çetin çäge gerişleriniň ençemesinden aşdylar* ("Edebiýat we sungat").

**GÖZLEME** [gözlömö], *iş ady.* Gözlemek ýagdaýy.

**GÖZLEMEK** [gözlömök], *işl.* **1**. Bir zady tapmak maksady bilen agtarmak, barlamak, aňtamak, yzarlamak. *Sen bu ýerlerde näme gözleýärsiň, bir zatlar ýitirdiňmi?* **2**. *gepl. d.* Bir ýaňa seretmek, bakmak, äňetmek, göz aýlamak. *It gözlemez, pişik bakmaz, Saçak ýazylmagan ýerde* (Magtymguly).

◊ **Gözläp durmak** seredip durmak, äňetmek.

**GÖZLEMEKLIK** [gözlömöklük], *iş ady.* Gözlemek ýagdaýy.

**GÖZLENILMEK** [gözlönülmök], *işl.*, *ser.* **Gözlenmek**. *– Gözlenilýän gymmatbaha daş şu bolsa gerek – diýdi*.

**GÖZLENMEK** [gözlönmök], *işl.* **1**. Bir ýa-da bir zat agtarylmak, idelmek. **2**. Özüň üçin gözlemek. *Kitap gözlendim*.

**GÖZLEŞDIRMEK** [gözlöşdürmök], *işl.* Gözläp çykmak, hemmesini gözlemek. *Ol özüne gerek kitaplary gözleşdirip tapdy.*

**GÖZLEŞMEK** [gözlöşmök], *işl.* **1**. Gözlemäge kömek etmek. *Aýallar ugurly-ugursyz gözleşen hem bolýarlar welin, ýüzükden hiç hili derek tapmaýarlar* (T. Gurbanow). **2**. Bilelikde gözlemek. *Oglanlar ýagyşdan soň obanyň gaýrasynda kömelek gözleşip ýördüler*. **2**. *gepl.d.* Biri-biriňe seretmek, garamak.

**GÖZLETMEK** [gözlötmök], *işl.* Gözlemek işini başga birine etdirmek, gözlemäge mejbur etmek. *Sen özüňi ýaman köp gözletdiň.*

**GÖZLEÝIŞ** [gözlöýüş], *iş ady.* Gözlemek ýagdaýy.

**GÖZLI** [gözlü], *syp.* **1**. *göç.m.* Daş-töwereginden esewan bolýan, pähimli, hüşgär. *Ilde gözli adam kän.* **2**. Esasy baldagynda gözi, çytanagy köp bolan, ýylmanak däl (agaç hakynda). *Bu pürs gözli ekeni*.

◊ **Gözli çeşme** girdeji, gazanç berýän mal, mülk we ş.m. zat. *Sygyrlaryň agzyna seredip bilseň, ol bir gözli çeşme*. **Gözli kör** gözýetimi dar; daş-töwerekde ýüze çykýan wakalary seljermeýän, dar düşünjeli. **Gözli şaýat** bir wakany, ýagdaýy hut öz gözi bilen gören, bir zadyň güwäçisi. *Ol ýyl gyşyň sowuk gelşine özüm gözli şaýat*. **Gözli ýaşyt** bir wagtda eneden bolan, doglan aýy-güni meňzeş. *Ikimiziňem oglumyz gözli ýaşytdyr*.

**GÖZLI-BAŞLY** [gözlü-vaşly], *syp.* Öýli-işikli, maşgalaly. *Ol ogluny gözli-başly etmegiň aladasy bilendi*.

◊ **Gözli-başly etmek** öýermek, özbaşyna öý-işik etmek. *Il deňinde gözli-başly edip goýbersek, hem oglumyz, hem giýewimiz bordy. Eýýäm iki oglumy gözli-başly etdim.*

**GÖZLÜK**, *at.* **1**. Çybyn-çirkeýden, siňekden goramak üçin atyň, eşegiň gözüniň ýokary ýanyndan dakylýan seçekli gaýyş. **2**. Juwaza, haraza we ş.m. zatlara goşulýan iş mallarynyň gözüne tutulýan, daňylýan mata.

**GÖZMONJUK** [gözmo:njuk], *at.* Köneden gelýän yryma görä, aýallaryň "göz degmesin" diýip özüniň, çagasynyň ýa-da malynyň boýnuna dakýan ala monjugy.

◊ **Göz monjugy ýaly** owadan, eýjejik, gowy. *Göz monjugy ýaly dört çagasy bar.*

**GÖZSÜZ** [gössüz], *syp.* **1**. Kör, gözi görmeýän. *Gözsüz garry*. **2**. Gözi bolmadyk, gözi ýok. *Gözsüz tagta.*

**GÖZSÜZLIK** [gössüzlük], *at.* **1**. Körlük, gözi görmezlik. *Iň ýaman dert – gözsüzlik.* **2**. Gözi bolmazlyk, gözi ýokluk.

**GÖZÜGARA** [gözüğara], *syp.* Biriniň kömegine zar, mätäç.

**GÖZÜGARALYK** [gözüğaralyk], *at.* Biriniň kömegine mätäçlik, zarlyk.

**GÖZÜGIŞ** [gözüğüş], *iş ady.* Gözükmek ýagdaýy.

**GÖZÜKDIRIJI** [gözükdürüjü], *at.* Bir işi ýerine ýetirmäge degişli bolan görkezmeleriň, düzgünleriň jemi. *Sözlügiň gözükdirijisi*.

**GÖZÜKDIRMEK** [gözükdürmök], *işl.* **1**. Adama, haýwana iş-ýol öwretmek, tälim bermek. *Ene gyzyny ýuwaş-ýuwaşdan tikin işine-de gözükdirdi.* **2**. Göz degirmek.

**GÖZÜKME** [gözükmö], *iş ady.* Gözükmek ýagdaýy.

**GÖZÜKMEK** [gözükmök], *işl.* **1**. Işe birneme öwrenişmek, ugrukmak, hünäri ele alyp başlamak; tälim almak. **2**. Köneden gelýän yryma görä, çaga, mal-gara göz degmek. *Sygrymyz gözükdimikä diýýän, soňky döwürde süýdi azalypdyr, özem sagdyrmajak bolup dur.*

**GÖZÜKMEKLIK** [gözükmöklük], *iş ady.* Gözükmek ýagdaýy.

**GÖZÝAŞ** [gözýa:ş], *at.* Agy ýa-da begenç zerarly gözden akýan, çykýan suwuklyk, ýaş.

◊ **Gözýaş dökmek** *ser.* **Gözýaş etmek**. **Gözýaş etmek** aglamak.

**GÖZÝETIM**, *at.* **1**. Gözüň görýän, saýgarýan, ýetýän ýeri, aralygy. *Daň saz berip, gündogar tarapda ýer bilen gögüň tapyşan ýeri – gözýetim gan ýaly gyzardy* (A. Gowşudow). **2**. Adamyň bilim derejesi, düşünjesi. *Gözýetimi giň adam.*

**GÖZÝETMEZ**, *syp.* Göz görerden giň, aňyrsy görünmeýän, çäksiz. *Gözýetmez sähra.*

**GÖZ-ÝÜZ: göz-ýüz bolup durmak** biri bilen ýüzbe-ýüz bolup durmak, birini birsyhly görüp durmak. *Hemişe göz-ýüz bolup duran adamyň çakylygyna görünmeseň birhili bolarmyka diýýän*.

**GRADUS** [gyra:du:s], *at.* **1**. Burçlaryň we dugalaryň, töweregiň 360-dan 1 bölegine deň bolan ölçeg birligi. **2**. Bir zadyň gyzgynlygyny ýa-da sowuklygyny, güýjüni ölçemek üçin ölçeg birligi.

**GRAFA** [gyrafa:], *at.* Kagyzyň ýüzüne daşyna dik çyzyk çekilen zolak ýa-da sütün; tablisadaky daşy iki çyzykly sütün.

**GRAFIN** [gyrafi:n], *at.* Içine suw ýa-da suwuk zatlar guýulýan uzyn bokurdakly çüýşe gap.

**GRAM** [gyra:m], *at.* Bir kub santimetr suwuň agramyna deň bolan metrlik ölçeg ulgamynda agyrlyk ölçeg birligi, kilogramyň müňden bir bölegi. *Bir gram. On gram. Ýüz gram.*

**GRAMMATIK** [gyramma:tik], *syp.* Grammatika degişli. *Diliň grammatik gurluşy*.

**GRAMMATIKA** [gyramma:tika], *at.* **1**. Dil biliminiň dildäki sözleriň we sözlemleriň gurluşyny, şoňa laýyklykda iki bölümden durýan morfologiýany we sintaksisi öwrenýän bölümi. **2**. Bir diliň esasy grammatik düzgünlerini özünde jemleýän okuw dersi.

**GRANAT** [gyrana:t], *at, harby*. El bilen zyňylýan uly bolmadyk partlaýjy ýarag. *Granat günleç gürpüldedi* (A. Nazarow).

**GREK** [gire:k], *at, ser.* **Grekler**. *Grek dili*. *Grek halky*.

**GREKLER** [gire:kler], *at.* Gresiýanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**GROSSMEÝSTER** [gyros(s)me:ýster], *at.* Küşt oýnunyň ussatlaryna berilýän iň ýokary at we şol ady alan adam.

**GRUZIN** [gruzi:n], *at, ser.* **Gruzinler**. *Gruzin dili*. *Gruzin halky*.

**GRUZINLER** [gruzi:nler], *at.* Gruziýa respublikasynyň esasy ilatyny düzýän halk.

**GUBA** [guvo], *syp.* **1**. Gyzgylt-goňur reňk (düýäniň, gazyň reňki hakynda). *Guba düýe. Guba gaz*. **2**. Adam ady.

**GUBAR** [guva:r], *at.* **1**. Bulaşyk, tutuk, bulutly howa. *Jülgeleri duman basar, Dag başynda gubar bolsa* (Talyby). **2**. Gözüň öňüni ümezledýän ýukajyk ak perde. *Onuň gözleriniň öňüni gubar basdy* (B. Seýtäkow).

◊ **Göze gubar inmek** gözüň öňüni ýukajyk ak perde tutup, onuň görüş ukybyny peseltmek.

**GUBARLAMA** [guva:rlama] *iş ady.* Gubarlamak ýagdaýy

**GUBARLAMAK** [guva:rlamak] *işl.* **1**. Üstüni bulutly, totly howa tutmak. *Daglaryň başy gubarlap görünýär.* **2**. Gözüň öňünde gubar emele gelmek. *Gözüň gubarlap başlamak.*

**GUBARLAMAKLYK** [guva:rlamaklyk], *iş ady.* Gubarlamak ýagdaýy.

**GUBARLANMAK** [guva:rlanmak], *işl.* **1**. Üsti gubarly bolmak, duman, ümür basmak. *Gubarlanyp alys ýerden görüner, Çandybilden biziň begler ýetişdi* ("Görogly"). **2**. Gözüň öňi ümezlenmek. *Owadan gözleriniň öňi gubarlandy* (B. Seýtäkow).

**GUBARLAŞMAK** [guva:rlaşmak], *işl.* **1**. Kem-kemden gubar tutmak, gubar bilen örtülmek. *Daglaryň dereleri gubarlaşyp başlady.* **2**. Gözüň öňi ümezleşmek, gözüň öňüni gubar örtüp başlamak. *Guwanyp atasy ogluň sözüne, Ýaş aýlaýar gubarlaşan gözüne* (A. Atajanow).

**GUBARLAÝYŞ** [guva:rlaýyş], *iş ady.* Gubarlamak derejesi.

**GUBARLY** [guva:rly], *syp.* **1**. Gubar tutan, dumanly, ümürli, howa bulaşyp, gamaşyp duran. *Dereleri däli silli, Ümürli, gubarly daglar* ("Zöhre – Tahyr"). **2**. Gözüniň öňüni gubar tutan, ümezli; kütelen. *Gubarly gözler.*

**GUBUR** [guvu:r], *at.* Öli jaýlanýan mazar.

**GUÇMAK** [guçmok], *işl.*, *şahyr.* Bagryňa basmak, gujagyňa gysmak, gujaklamak. *Hylwat ýerde bezm edip, Guçsam inçe biliňden* (Mollanepes).

**GUDA** [gudo], *at.* Öýlenen oglanyň we durmuşa çykan gyzyň hossarlarynyň biri-birine garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz.

◊ **Guda bolmak** ogul öýermek ýa-da gyz çykarmak üçin ene-atalar bolup gürleşip, belli netijä gelmek.

**GUDAÇYLYK** [gudoçuluk], *at.* Guda ýagdaýynda bolmaklyk, gaýyn-guda garyndaşlygyny açmaklyk. *Bike eje ogly üçin kimiň gyzyna gudaçylyga barmakçy bolýandygyny aýdyp berdi* (G. Gurbansähedow).

◊ **Gudaçylyk gürrüňiňiz barmy?** gizlin we tükeniksiz gürrüň edilende aýdylýan aňlatma.

**GUDALYK** [gudoluk], *at.* Toýda öldürilýän ownuk janlynyň, dowaryň adat boýunça guda berilýän döşi. *Garyndaşlyk ýüz ýyllyk, gudalyk müň ýyllyk* (Nakyl).

**GUDRAT** [gudurot], *at.* **1**. Tebigatda adatdan daşary güýjüň täsiri netijesinde ýüze çykýan hadysa, alamat, keramat. **2**. *göç.m.* Geň galdyryjy güýç. *Seň suwuňda şirin jana, Lezzet berýän gudrat bardyr* (M. Seýidow). **3**. Oglana dakylýan at.

◊ **Gudraty güýçli** Allatagala.

**GUDRATLY** [gudurotly], *syp.* **1**. Adatdan daşary hadysaly, gudrat görkezmäge ukyply. **2**. *göç.m.* Durmuşda güýç-kuwwaty, başarýan zady bilen geň galdyrýan, haýran edýän. *Gudratly eller.*

**GUDRATLYLYK** [gudurotluluk], *at.* Gudratly bolmaklyk, gudraty barlyk.

**GUDUK**, *at.* **1**. Oý ýer, ýalpak çukur. *Basan ýeriň guduk bolup çykýar*. **2**. Çilik ýaly çaga oýunlary oýnalanda gazylýan çukurjyk. *Oýny alyp baryjy taýajygy we topy eline alyp, gudugyň ýanynda galýar.* **3**. *kön.s.* Guýy. *Niçe gün gudukda menzil eýledim, Günbe-gün halymny tebdil eýledim* (Andalyp).

**GUDUMAN** [gu:dumon], *syp.*, *gepl. d., ser.* **3. Guduz.** *Guduman açýan oglan.*

**GUDURAMA** [gu:duromo], *iş ady.* Guduramak ýagdaýy.

**GUDURAMAK** [gu:duromok], *işl.* Bir zada begenjiňe üýtgeşik hereketler etmek; aýnamak. *Özüm ýalylar bilen iki ýana at saljagym, agyr mähelläni aralap gudurajagym ýadyma düşdi* (R. Gelenow).

**GUDURAMAKLYK** [gu:duromokluk], *iş ady.* Guduramak derejesi.

**GUDURAŞMAK** [gu:duroşmok], *işl.* Birnäçe bolup guduramak. *Guduraşmaň oglanlar, guduraşmaň meslikden* (Ý. Durdyýew).

**GUDURATMAK** [gu:durotmok], *işl.* Guduramaga erk bermek, mümkinçilik döretmek, ýol bermek.

**GUDURAÝYŞ** [gu:duroýüş], *iş ady.* Guduramak ýagdaýy.

**GUDUZ**, *syp.*, *at.* **1**. Nerw sistemasyny zaýalaýan ýokanç kesel, şeýle hem şol kesel bilen kesellän jandar. *Guduz it*. **2**. *göç.m.* Gaharly, gazaply, gahar-gazaba münen. **3**. *göç.m.* Ýakymsyz, garagol, bet, bimaza; alyp-ýolup barýan. *Guduz oglan*.

◊ **Guduz açmak 1)** wagşylaşmak, örän rehimsiz, zalym bolmak, guduzlamak. **2)** ýakymsyzlyk, bimazalyk etmek, garagol bolmak. *Beýle guduz açman, akyllyja bolaýsana!*

**GUDUZLAMA** [guduzlomo], *iş ady.* Guduzlamak ýagdaýy.

**GUDUZLAMAK** [guduzlomok], *işl.* **1**. Kellede döreýän ýokanç nerw keseli bolan guduz keseli bilen

kesellemek. *Guduzlan it*. **2**. *göç.m.* Çendenaşa zabun bolmak, gazaba münmek, zulum etmek.

**GUDUZLAMAKLYK** [guduzlomokluk], *iş ady.* Guduzlamak ýagdaýy.

**GUDUZLAŞMAK** [guduzloşmok], *işl.* Wagşylaşmak, zalymlaşmak.

**GUDUZLATMAK** [guduzlotmok], *işl.* **1**. Ýokanç nerw keseli bolan guduz keseli bilen keselletmek, guduz keselini ýokuşdyrmak. *Bir guduzlan it başga birnäçe haýwany-da guduzladyp biler.* **2**. *göç.m.* Gazaplandyrmak, gaharlandyrmak, zabunlyk etdirmek.

**GUDUZLYK** [guduzluk], *at.* **1**. Guduz kesellilik, guduzyň ýagdaýy. *Itiň guduzlygy barlagda kesgitlendi*. **2**. *göç.m.* Ýakymsyzlyk, garagollyk, bimazalyk, betçilik.

**GUGARMA** [gu:ğormo], *iş ady.* Gugarmak ýagdaýy.

**GUGARMAK** [gu:ğormok], *işl.* Hiç zatsyz boşap galmak, janly-jemendesiz galmak. *Iňlär siňek ýok bu ýerde, Gugaryp ýatyrdy meýdan* (M. Seýidow).

**GUGARMAKLYK** [gu:ğormokluk], *iş ady.* Gugarmak ýagdaýy.

**GUGARTMAK** [gu:ğortmok], *işl.* Hiç zatsyz boşadyp goýmak.

**GUGARYŞ** [gu:ğoruş], *iş ady.* Gugarmak ýagdaýy.

**GUGULDAMA** [gu:ğullomo], *iş ady.* Guguldamak hereketi.

**GUGULDAMAK** [gu:ğullomok], *işl.* Guk-guk edip ses çykarmak. *Asudalygyň içinden parran geçen otlynyň guguldan sesi, göýä başga dünýäden eşidilen ýaly boldy* ("Edebiýat we sungat").

**GUGULDAMAKLYK** [gu:ğullomokluk], *iş ady.* Guguldamak ýagdaýy.

**GUGULDAŞMAK** [gu:ğulloşmok], *işl.* Birnäçe otly, gämi we ş.m.yzly-yzyna guguldamak, ýerli-ýerden guk-guk etmek.

**GUGULDATMAK** [gu:ğullotmok], *işl.* Guk-guk edip ses çykarmak.

**GUGULDAÝYŞ** [gu:ğulloýuş], *iş ady.* Guguldamak ýagdaýy.

**GUGULDY** [gu:ğullu], *at.* Otly, gämi we ş.m. gygyranda çykýan sesiň ady. *Daşda heniz hereket ýatmadyk bolsa-da, çendan otly guguldysyndan başga ses-üýn eşidilmeýärdi* (B. Kerbabaýew). *Ol otlynyň guguldysyna oýandy* (N. Jumaýew).

**GUJAK** [gujok], *at.* **1**. Iki eliňi aýlap alanyňda kükrek bilen eliň aralygynda emele gelýän giňişlik. – *Kes sesiňi, it ogly – diýip, enesiniň gujagyndaky çaga gamçy çaldy* (B. Seýtäkow). **2**. Iki eliňi aýlap alanyňda aralykda ýerleşýän zat, takmyn mukdary görkezýän ölçeg. *Bir gujak ot.* **3**. *göç.m.* Bir zadyň içi, göwsi. *Lowurdap çykan güneş indi bütin şäheri öz gujagyna alypdy, gözýetim indi has giňäpdi* (B. Kerbabaýew).

◊ **Gujak açmak** mähirli garşy almak, güler ýüz bilen kabul etmek, gujak gerip garşylamak. *Ýakymly güneş jümle-jahana gujak açýardy* (B. Kerbabaýew).

**GUJAK-GUJAK** [gujok-gujok], *syp.* Birnäçe gujak, köp. *Ojaga gujak-gujak sazak getirip saldy* (B. Seýtäkow).

◊ **"Gujak-gujak" etmek** çagany gujagyňa almak üçin çagyryp, gujagyňy açyp "gujak-gujak" diýmek.

**GUJAKLAMA** [gujoklomo], *iş ady.* Gujaklamak ýagdaýy.

**GUJAKLAMAK** [gujoklomok], *işl.* Iki eliň bilen daşyndan aýlap tutmak, gujagyňa gysmak, gujagyňa almak.

**GUJAKLAMAKLYK** [gujoklomokluk], *iş ady.* Gujaklamak ýagdaýy.

**GUJAKLANMAK** [gujoklonmok], *işl.* Gujaga alynmak, gujaga gysylmak.

**GUJAKLAŞDYRMAK** [gujokloşdurmok], *işl.* Ýakyn adamlaryňy, dost-ýarlaryňy yzly-yzyna gujaklap çykmak.

**GUJAKLAŞMAK** [gujokloşmok], *işl.* Biri-biriňi gujaklamak. *Olar gujaklaşyp görüşdiler*.

**GUJAKLATMAK** [gujoklotmok], *işl.* Gujaklamaga ýol bermek, mümkinçilik döretmek. *Ol özüni gujakladasy gelmedi.*

**GUJUR**, *at.* Bir işi ýerine ýetirmek üçin güýç-kuwwat, başarnyk. *Ähli juwan gujury bilen sahna hyjuwly çykýar* ("Edebiýat we sungat").

**GUJUR-GAÝRAT** [gujur-ğaýra:t], *at, ser.* **Gujur**. *Men Siziň her biriňiziň ata Watanymyzy gülledip ösdürmek ugrunda gujur-gaýratyňyzy gaýgyrmajakdygyňyza ynanýaryn* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr").

**GUJUR-KUWWAT** [gujur-kuwwa:t], *at, ser.* **Gujur**.

**GUJURLANMAK** [gujurlonmok], *işl.* Güýçlenmek, kuwwatlanmak, gaýrata galmak, dogumlanmak. *Olaryň atlary öňdäki ullakan alaňa ýakynlaşdyklary saýy, suwuň ysyny alyp gujurlanyp, hereketlerini çaltlandyryp ugradylar* (B. Seýtäkow).

**GUJURLY**, *syp.* Gujur-kuwwaty bar bolan, güýçli, zor, gujury bolan. *Gujurly adam.*

**GUJURLYLYK** [gujurluluk], *at.* Gujury barlyk, gujursyz dällik, kuwwatlylyk, güýçlülik; dogumlylyk, gaýratlylyk, başarjaňlyk. *Çalasyn hereketi gujurlylygyny mälim edýärdi* (B. Kerbabaýew).

**GUJURSYZ** [gujursuz], *syp.* Gujury ýok, gujurly däl.

**GUJURSYZLYK** [gujursuzluk], *at.* Gujury ýokluk, gujurly dällik, güýçsüzlik, kuwwatsyzlyk, gowşaklyk, ysgynsyzlyk.

**GUK** [gu:k], *s. ş. aňl. söz.* **1**. Otly signal berende, gygyranda çykýan ses. **2**. Bukullym oýnuna gatnaşýan

çagalaryň bukulansoň, eşekçä "bukuldyk" diýen manyda ulanýan sesi.

◊ **Guk bermek (diýmek)** bir iş, waka barada habar bermek, habarly etmek. *Gyssanan wagtyň guk diýäýgin.*

**GUKBAG** [gu:kba:ğ], *at.* Hamydyň iki daş ýüzündäki halkaly ýüp.

**GUK-GUK** [gu:k-gu:k], *s. ş. aňl. söz.* Yzly-yzyna çykýan guk sesi.

◊ G**uk-guga dönmek** gaty horlanmak, etiň-ganyň dökülip, süňk bolup galmak. *Ol näsaglandan soň, guk-guga dönüpdir.*

**GUKMY-PAŇK** [gu:kmu-paňk], *at.* Palçykdan okara ýasap, düýbüni ýukaldyp, agyz tarapyny ýere urup, paňkyldyly ses çykarylyp oýnalýan çaga oýny.

**GUL**, *at.* **1**. *taryh.* Hiç zada hukugy, ygtyýary bolmadyk, ykbaly eýesiniň elinde bolan adam; özge ýurtlardan getirilip, biriniň eýeçiligine berlen (adam). **2**. *göç.m.* Umuman adam, ynsan. *Hudaý berse guluna, getirip goýar ýoluna* (Nakyl). *Bendige etme hyýanat, Barça gul taňryga raýat* (Magtymguly). **3**. *göç.m.* Biriniň garamagynda bolmaga, erk-ygtyýaryna gürrüňsiz boýun bolmaga razy, kaýyl adam. *Aýdyň ol ýarymga meniň, zyndan içre bolganym, Saçlaryny saldaýyp, kylsyn azat men guluny* (Magtymguly). **4**. Garynjaly, garnuwly, igiň antonimi. **5**. Oglana dakylýan at.

◊ **Gul tapmak** ogluň bolmak, erkek oglanjyk dünýä inmek. *Gul tutupsyňyz, ýaşy uzyn bolsun, berildigi bolsun.*

**GULAÇ** [guloç] **I**, *at.* Iki goluňy giň gereniňdäki uzynlyk ölçegi. *Bir aýlap telpekde gizlenen saçlar, Her haýsy bir gulaç, bir ýarym gulaç* (K. Gurbannepesow).

**GULAÇ** [guloç] **II**, *at.* Gylyç bilen (*ser*. **Gylyç 2**) kakylyp dokalýan irimçik kakma mata. *Uzyn gije gulaç dokap, Başagaýdy Asman "pälwan"* (K. Gurbannepesow).

**GULAÇLAMA** [guloşlomo], *iş ady.* Gulaçlamak hereketi.

**GULAÇLAMAK** [guloşlomok], *işl.* **1**. Gulaç bilen ölçemek, bir zadyň uzynlygyny gulaç bilen kesgitlemek. **2**. Yzly-yzyna gollaryny galgadyp ýüzmek. *Gulaçlap ýüzmek.*

**GULAÇLAMAKLYK** [guloşlomokluk], *iş ady.* Gulaçlamak ýagdaýy.

**GULAÇLANMAK** [guloşlonmok], *işl.* Gulaç bilen ölçelmek, gulaç bilen kesgitlenmek. *Odun ýüpler gulaçlanyp külterlendi.*

**GULAÇLATMAK** [guloşlotmok], *işl.* Gulaçlamak işini başga birine etdirmek. *Ýüpi gulaçlatmak.*

**GULAÇLAÝYŞ** [guloşloýyş], *iş ady.* Gulaçlamak işi.

**GULAJYK** [gulojuk], *at.* Halynyň soňky äleminiň her ýerinde üçburç görnüşinde salynýan nagyş.

**GULAJYN** [gulojun], *at.* Iki ýaşyndaky urkaçy göle, tüwe. *Biziň tohum öküzimiz bilen gulajynymyzy mal doktora görkezmek üçin oba getirendigimizi eýýäm olar nireden bildilerkä?* (A. Gowşudow).

**GULAK** [gulok], *at.* **1**. Adamlaryň, oňurgaly haýwanlaryň eşidiş agzasy. *Gulagyň garny bolmaz* (Nakyl). **2**. Kirişli saz gurallarynyň sapynyň ujundaky kiriş baglanýan we dutary, gyjagy düzmek üçin towlanýan enjam. *Dutaryň gapagyny daglap, perdesini baglady, kirşini sazlap, gulaklaryny towlady* ("Nejep oglan"). **3**. Ýer depilende aýak basmak üçin piliň ýokary gapdalyna berkidilýän süýri halka görnüşli demir. *Ýer ýumşak bolany üçin, pil gulagyna çenli ýere gidýärdi.* **4**. Gazanyň daş gyrasyndaky el tutary, gulpy. *Gazanyň dört gulagy bolýar*. **5**. Tüpeňiň niliniň başlanýan ýerinde atylmanka arkan gaýtarylýan, aşaky ujy mäşe bilen baglanyşykly hereket edýän bölegi. **6**. Suw akýan ýabyň gapdala sowulýan sakasy, peliň suw barýan ýeri. *Ähli gulaklaryň suwy saz akyp dur*. **7**. "Gabsagöl" we "Pendigöl" ýaly gölleriň içine salynýan iki ýa dört sany kiçijik nagyş. **8**. Halynyň gyrasyndaky "ýyldyz" nagşynyň, ýagny goçagyň sallanyp duran bölegi. **9**. Gulakçynyň depesinde daňylýan ýa-da iki dulugyň üstünden goýberilýän bölegi. *Gulakçynyň gulagy*. **10**. Nowany aýak bilen basyp, suw goýbermek üçin onuň ujuna kakylan agaç. **11**. *gepl.d.* Töweregiňdäkileriň etjek bolýan zadyna: pirimine, mekirligine we ş.m. göz ýetirip bilmeýän, aňkaw, pekgi. – *Sen-ä bir barypýatan gulak ekeniň, dostsurap ýören ýoldaşyň näme edip ýörendiginem bilmänsiň?!*

◊ **Gulaga degmek** *ser.* **Gulaga ilmek**. **Gulaga ilmek** biri ýa-da bir zat barasynda daş gulakdan bir habar eşidilmek. *Ünsüni şübela tijese-de, hümürdiden başga zat gulagyna ilmeýärdi* (G. Kulyýew). **Gulaga ýakmak** aýdylan söz, edilen gürrüň göwnüňe ýaramak. **Gulaga ýetmek** daş gulakdan bir zat hakynda gep, habar eşitmek. **Gulagy agyr** gowy eşitmeýän, ker. *Onuň gulagy agyrdy*. **Gulagy göründen ýaňa** ölen adam hakynda gürrüň edilende "agzaw edenim üçin bagyşla" diýen manyda aýdylýan aňlatma. **Gulagy mis ýaly** gulagy ýiti, eşitgir. *Zaňňaryň gulagy edil mis ýaly ekeni* (T. Jürdekow). **Gulagyna guýmak** öwran-öwran aýtmak, düşündirip aýtmak, berk tabşyrmak. *Edepli bolmagy çaganyň gulagyna guýup durmak gerek.* **Gulagyny gazamak** birine bir zady ýerine ýetirtmek üçin köp aýtmak, ýatladyp durmak, irginsiz gaýtalamak. *"Siz Mährä bir hat ýazyň" diýip, ol Wepanyň gulagyny gazaýardy* (A. Gowşudow). **Gulagyny tutmazlyk** diňlemezlik, gulak salmazlyk. *Ilim-günüm, ýakyn özel gardaşym, Nije zar eýlesem, gulagyn tutmaz* (Magtymguly). **Gulagyny ýazdyrmak** gulagyny goýbermek, gysmak; atmak. **Gulagyň ganmak** bir zat hakynda köp eşidip, pugta ýadyňda galmak. *Kakajandan gulagy ganan enaýyja gözlerini tegeläp, Artyga barmaklaryny uzatdy*

(B. Kerbabaýew). **Gulagyň gapylmak** güýçli ses we ş.m. zerarly gulagyň ker bolmak, eşitmekden galmak. *Onuň gahary gelende, gulagy gapylyp, aňy işlemeýär.* **Gulagyň kamata gelmek** bir zady köp eşidip irmek. *Käbir kişileriň bolgusyz sozünden ýaňa gulagym kamata geldi.* **Gulagyň posuny açmak** uzak wagt arakesmeden soň aýdym-saz diňläp ynjalmak. **Gulagyň şaňlamak** gulagyňda şaňňyldyly ses eşidilmek. *Meniň haýsy gulagym şaňlady?* **Gulagyňy gapmak** güýçli ses, gykylyk we ş.m. gulagyňa täsir edip eşitmez ýaly etmek. **Gulak asmak (salmak) 1)** diňlemek. *Ynha, gulak as, gör, Magtymguly aga näme diýýär?* (G. Kulyýew). *Ol näme diýýär, gulak asyň!* (B. Kerbabaýew). **2)** biriniň diýenini etmek, maslahatyny almak, biriniň diýen-aýdanyna kaýyl bolmak. **Gulakda galmak** aýdylan zat berk ýatda galmak, ýatdan çykmazlyk. *Öwüt gulakda galmasa, Miwesiz nahala meňzär* (Zelili). **Gulak etini guratmak** bir zady ýerine ýetirmek üçin köp aýdyp, halys ýadatmak, aýda-aýda bizar-peteňini çykarmak. **Gulak gabartmazlyk** gulak asmazlyk, diňlemezlik. *Adamlaryň sözüne däl-de, işine üns ber! Öňýeteniň gepine gulak gabartma* ("Watan"). **Gulak gaýtarmak** tüpeňiň gulagyny arkan gaýtarmak, atmaga häzirläp goýmak. **Gulak germek** üns bilen diňlemek, gulak asmak. **Gulak goýmak** *ser.* **Gulak (asmak) salmak**. *Adam bolsaň gulak goýgul öwüde, Alymlar ýanynda söhbet ýagşydyr* (Magtymguly). **Gulak gyrpmak** gulagy ýapyrmak (at, düýe, eşek we ş.m. hakda). *Gyrat agzyny açyp, gulagyny gyrpyp topuldy* ("Görogly"). **Gulak kakmak** her hili gep eşitjek bolup ýörmek, timisgenip gep gözlemek. *Gulak kakyp ýörmek ýaramaz gylykdyr*. **Gazan gulagy gyzmazlyk** *ser.* **Gazan**.

**GULAKÇEKGE** [gulokçekge], *at.* Çekge süňk bilen gulagyň aralygy, ýaňagyň ýokary tarapy. *"Öldüreliň-de öldüreliň!" bolşup, Elbent bagşynyň gulakçekgesine urdular* ("Nejep oglan").

**GULAKÇOW** [gulokçow], *at,dokm.* Dokalan matany nöwerdiň daşyna saramak we erişleriň gerekli derejede dartylyp durmagy üçin ulanylýan enjam.

**GULAKÇÖP** [gulokçöp], *at.* **1**. Hataplary birikdirip saklaýan iki barmak inlilikdäki ýasyja agaç. **2**. Arabanyň arşyna ötürilýän taýajyk.

**GULAKÇYN** [gulokçun], *at.* Baganadan, sütükli deriden tikilýän uzyn gulakly ýyly telpek, gulakjyn.

**GULAKHALKA** [gulokhalka], *at, zergärç. s.* Kümüşden, gyzyldan, zergärçilikde ulanylýan başga metallardan ýasalyp, aýal-gyzlaryň gulagyna dakynýan bezeg şaýy.

**GULAKJYN** [gulokjun], *at, ser.* **Gulakçyn.**

**GULAKTOZ** [gulokto:z], *at.* Gulagyň ýeňse bölegi, gulagyň arka ýumrusy.

◊ **Gulaktozuna goýmak (bermek)** gulagynyň düýbüne bermek, gelşirmek, urmak. **Gulaktozuny gyzdyrmak** *ser.* **Gulaktozuna goýmak (bermek)**. *Hemmesiniň gulaktozuny mazaly gyzdyrdy*.

**GULAKÝÜP** [gulokýüp], *at.* Hataby howut bilen birikdirýän ýüp.

**GULAN** [gulon], *at.* Gylýallar maşgalasyndan bolan ýabany haýwan. *Gulanlar Badhyz goraghanasynda gabat gelýär.*

**GULANGUÝRUK** [gulonğuýruk], *at.* Gumda bitýän ýumşajyk, akja haşal ot.

**GULATY** [guloty], *at.* **1**. Gyrgylar maşgalasyndan bolan syçan we ş.m. owunjak haýwanlary awlaýan ýyrtyjy guş. **2**. *göç. m.* Nalajedeýin, başarnyksyz, zat oňarmaýan, emelsiz. *Gulatynyň saýasyndan bolandan, Bürgüt penjesinde galan ýagşydyr* (Magtymguly).

**GULÇULYK** [gulçuluk], *at, taryh.* **1**. Gula eýe bolmaklyga esaslanan jemgyýetçilik-ykdysady gurluş. **2**. Guluň ýagdaýynda bolmaklyk.

**GULGAMAK** [gulğamak], *at.* Suwulgana görä ýasyrak hem ýognasrak süýreniji haýwan.

**GUL-GULA** [gul-ğulo], *at, kön. s.* Galmagal, başagaýlyk, her hili howsala salýan gürrüň. *Şol wagt onuň goşunyna gul-gula düşüp, her haýsy bir tarapa dagap gitdiler* (Andalyp).

**GULGUNA** [gulğuno], *at.* Suw çilimiň boýny.

**GULK**, *s. ş. aňl. söz.* Suwuklyk içilende bogazda ýa-da dar bokurdakly gapdan suw guýlanda, dökülende bir gezek çykýan ses.

**GULK-GULK**, *s. ş. aňl. söz.* Suwuklyk howlukman birden içilende ýa-da dar bokurdakly gapdan dökülende yzly-yzyna çykýan ses.

**GULKULDAMA** [gulkullomo], *iş ady.* Gulkuldamak ýagdaýy.

**GULKULDAMAK** [gulkullomok], *işl.* Gulk-gulk etmek, gulkuldyly ses çykmak.

**GULKULDATMAK** [gulkullotmok], *işl.* Suwuklygy gulk-gulk edip içmek; jyňkydyp içmek, başyňa çekmek. *Ol sowuk şerbedi gulkuldadyp içdi*.

**GULKULDY** [gulkully], *at.* Suwuklyk birden yzly-yzyna içilende ýa-da dar bokurdakly gapdan dökülende çykýan sesiň ady.

**GULKUNMAK** [gulkunmok], *işl.* Gulk-gulk edip ýuwdunmak, agzyň suwaryp boş ýuwdunmak.

**GULKUNJYRAMAK** [gulkunjuromok], *işl.* Çalarak gulkunmak. – *Beýle zatlary ýada salmasana, zaluwat – diýip, Kemal gulkunjyrady* (N. Jumaýew).

**GULKUTMAK** [gulkutmok], *işl.* Gulkuldadyp baryny içmek. *Ol ahyrky owurt çaýyny gulkutdy*.

**GULLUK**, *at.* **1**. Gul ýagdaýynda bolmaklyk, erksizlik, biriniň gol astynda bolmaklyk. **2**. Gullukçynyň

ýerine ýetirýän käri, wezipesi, işi, iş ýeri. *Gulluk wezipesi.* **3**. Harby gullukçynyň harby borjy, ýerine ýetirýän wezipesi. *Meni goşun gullugyna kabul etdiler. Ol harby gullukdan ýaňyrak gaýdyp geldi*. **4**. Biri ýa-da köpçülik-jemgyýetçilik üçin edilýän hyzmat. **5**. ″Hyzmata taýýardyryn, näme ýumuş bar, baş üstüne″ diýmegi aňladýan ýüz tutma söz. – *Gulluk – diýip tagzym etdi*.

◊ **Gulluk etmek 1)** hyzmat etmek. *Men goşunda deňizçi bolup gulluk etdim.* **2)** bir zada uýmak, bir pikiri, işi we ş.m. dogry tapmak we ony goldamak, tarapdar bolmak. *Sen şol pikiriň haýsysyna gulluk edýärsiň?*

**GULLUKÇY**, *at.* **1**. Akyl zähmetiniň dürli ugurlarynda işleýän adam. *Ol gullukçy maşgalasynda dünýä indi*. **2**. Hyzmatkär, hyzmatçy.

**GULLUKÇYLYK** [gullukçuluk], *at.* Gullukçynyň wezipesi, gulluk edýäniň käri, hal-ýagdaýy. *Ol gullukçylyk işine şeýle başlapdy*.

**GULLUKDAŞ** [gullukdoş], *at.* Goşunda bile gulluk eden ýa-da gulluk edýän adam. *Duşuşykda gahrymanlar özleriniň hem-de gullukdaş ýoldaşlarynyň Watan öňündäki bitirýän hyzmatlary hakda aýtdylar* (″Edebiýat we sungat″).

**GULMAN** [gulma:n], *at, kön.s.* **1**. Behişt ýigidi. *Saçypdyrlar ol jennetiň zerini, Garypdyrlar gulman bilen hüýrüni* (″Görogly″). **2**. Oglana dakylýan at.

**GULP** [gulup] **I**, *at.* Bir zadyň agzyny, gapysyny gulplamak üçin açar bilen ýapylýan we açylýan demir enjam.

◊ **Gulp urmak** gulp bilen berkitmek, baglamak, gulplamak.

**GULP** [gulup] **II**, **1**. Käbir gaplaryň gapdalyndaky el tutary, götermek, tutmak üçin ýörite edilen tutawaç. *Çäýnegiň gulpy*. **2**. Apbasy, şelpe ýaly käbir türkmen şaýlaryny düzmek, egin-eşige berkitmek üçin şol şaýlardaky halkajyk. *Gyzyl çaýylan apbasynyň gulpy hem haşamly ýasalypdyr.*

**GULPAK** [gulpok], *at.* **1**. Ýaşajyk çagalaryň depesiniň iki gapdalyndan goýulýan çogdam saç. *Şildirdäp akýan dury suwly ýapjagazyň boýunda gulpagyny tasadyp oýnaýanyny çala ýadyna getirýärdi* (B. Kerbabaýew). **2**. *gepl. d.* Umuman örüme giren ýa-da örülen saç. *Gulpajygyny ýaňy bogan, Gaýşarylyp maýa sagan* (Halk aýdymyndan). **3**. *halyç.* Şah şekillije nagyş. *Dokadan düýpli gyňajymyň gulpagy gowy düşüpdir.* **4**. Mekgejöweniň we käbir ösümlikleriň başyndaky seçelenip duran seçegi. *Günuzyn düýbünde saýalan hyşasynyň bir gulpagynyň ujundan dişläp köp durdy* (H. Derýaýew).

**GULPAKLAMAK** [gulpoklomok], *işl.* Mekgejöwen ýaly ösümligiň hasylynyň ýokarsynda saç ýaly ösüntgi emele gelmek. *Mekgejöwen gulpaklapdyr.*

**GULPAKLY** [gulpokly], *syp.* **1**. Gulpajygy bar bolan, gulpajygy goýberilen. **2**. Gulpak çykaran, gulpagy seçelenip duran (mekgejöwen hakynda).

**GULPLAMA** [guluplomo], *iş ady.* Gulplamak ýagdaýy.

**GULPLAMAK** [guluplomok], *işl.* **1**. Gulp bilen baglamak, gulp urup ýapmak. **2**. Türkmen şaý-sepleriniň bir gapdalyndan gulp etmek, halka ýasamak, halkalamak.

**GULPLAMAKLYK** [guluplomokluk], *iş ady.* Gulplamak ýagdaýy.

**GULPLANMAK** [guluplonmok], *işl.* Gulp bilen baglanmak, gulp urlup ýapylmak. *Gapy gulplandy.*

**GULPLAŞMAK** [guluploşmok], *işl.* **1**. Gulplamaga kömek etmek. *Men derwezäni gulplaşdym.* **2**. Bilelikde gulplamak. *Kümüş ussalary apbasylary gulplaşyp otyrdylar*.

**GULPLATMAK** [guluplotmok], *işl.* Gulplamak işini başga birine etdirmek. *Gapyny daşyndan gulplatmak. Gyran gulplatmak.*

**GULPLAÝYŞ** [guluploýyş]**,** *iş ady.* Gulplamak işi.

**GULPLY**[guluply], *syp.* **1**. Gulp bilen gulplanan, gulp bilen ýapylgy, bagly. *Öýe gelsem, gapy gulply ekeni*. **2**. Gulp berkidilen, gulp oturdylan (şaý-sep hakynda). **3**. *göç.m.* Doňup galan, hereket etmeýän. *Kä halatda akylly-başly töwekgellik etseňiz gulply duran işler herekete girer* (″Nesil″).

**GULT-GULT**, *s. ş. aňl. söz., ser.* **Gulk-gulk**. *Gult-gult edip süýt içdi*.

**GULTUM**, *at, gepl.d.* Bir ýuwdum, bir owurt (suw, süýt we ş.m. hakynda).

**GULTUNA-GULTUNA** [gultuno-gultuno], *hal.* Ýuwduna-ýuwduna, sägine-sägine, zordan. *Ol gultuna-gultuna sözüni dowam etdi.*

**GULTUNDYRMAK** [gultunnurmok], *işl.* Ät galdyrmak; garaşdyryp goýmak.

**GULTUNMA** [gultunmo], *iş ady.* Gultunmak ýagdaýy.

**GULTUNMAK** [gultunmok], *işl.* Bir zatdan hantama bolmak, nahardan tamakin bolup ýuwdunmak, ät galmak. *Ol gözüni gazana dikip gultundy* (B. Seýtäkow).

**GULTUNMAKLYK** [gultunmokluk], *iş ady.* Gultunmak ýagdaýy.

**GULTUNYŞ** [gultunuş], *iş ady.* Gultunmak ýagdaýy.

**GULTUNYŞMAK** [gultunuşmok], *işl.* Birnäçe bolup nahardan we ş.m. tamakin bolup ýuwdunyp garaşyp oturmak. *Gultunyşyp oturmaň!*

**GULUN**, *at.* Süýt emýän taý.

◊ **Gulun atmak** taýy öli dogmak, taý taşlamak (baýtal hakynda). *Baýtal gulun atypdyr.*

**GULUNLAMA** [gulunlomo], *iş ady.* Gulunlamak ýagdaýy.

**GULUNLAMAK** [gulunlomok], *işl.* Taýçanak guzlamak, taýçanagy bolmak (baýtal hakynda). *Ýatandan soň gulunlap, bir gyr taýy boldy* (Erteki).

**GUM**, *at.* **1**. Ýeriň gabygynyň daşky gatlagyny emele getirýän garamtyl-goňur jisim, toprak, topur. **2**. Giden çägelik çöl ýerler. *Gumdan goýun sürüp gaýtmak Berdä aňsat düşmez* (H. Derýaýew). **3**. Tozan, çaň, kirşen. *Agyz-burnuna giren gum demligini daraldyp barýardy* (B. Kerbabaýew).

◊ **Guma garylmak** ölmek, ölup-ýitip gitmek. *Niçe ýitirim boldy, guma garyldy, Sen gaflat öýünde ýatdyň, Zelili* (Seýdi). **Gum pişigi** gumda, çölde ýaşap ýören ýyrtyjy ýabany pişik. **Gum sowurmak** haýýarlyk edip ajyňy pürkmek, hapa sürtmek, esassyz günäkärlemek.

**GUMAK** [gumok], *syp.* Ýer gaty däl-de, gumly, gum gatyşykly, gumsalt. *Gumak ýer. Gumak ýol.*

**GUMAKLYK** [gumokluk], *at.* Gum gatyşykly ýumşak ýer.

**GUMALAK** [gumolok], *at.* Düýäniň togalak tezegi.

◊ **Gumalak atmak** belli bir mukdardaky gumalagy sanamak, bölmek bilen pal atmak.

**GUMALAKÇY** [gumolokçy]**,** *at,* Gumalak bilen pal atýan (adam).

**GUMALAKLAMA** [gumoloklomo], *iş ady.* Gumalaklamak ýagdaýy.

**GUMALAKLAMAK** [gumoloklomok], *işl.* Gumalak gaçyrmak.

**GUMALAKLAMAKLYK** [gumoloklomokluk], *iş ady.* Gumalaklamak ýagdaýy.

**GUMALAKLAÝYŞ** [gumolokloýuş], *iş ady.* Gumalaklamak ýagdaýy.

**GUMANIST** [gumani:st], *at*. Gumanizmiň tarapdary we jemgyýetçilik işinde gumanizme eýerýän adam.

**GUMANITAR** [gumanita:r], *syp.* **1**. Adamy we onuň medeniýetini öwrenýän jemgyýetçilik ylymlaryna degişli. *Gumanitar ylymlar*. **2**. Ynsanperwer. *Dünýä türkmenleriniň gumanitar birleşigi.*

**GUMANIZM** [gumani:zim], *at*. **1**. Jemgyýetçilik işinde ynsanperwerlik, adamsöýüjilik. **2**. Ýewropada orta asyrlarda feodalizme garşy duran öňdebaryjy progressiw hereket.

**GUMARPAGAN** [gumarpağan], *at.* Arpa meňzeş, başy gylçykly ýabany ot.

**GUMBAÝRAK** [gummaýrak], *at.* Toýun ýaly özli bolman, pytrap ýatan çägesöw toprak. *Böwediň gumbaýrak bolsa saklatmaz.*

**GUMDAN** [gumda:n], *at.* Piliň gumda durýan ýasy ýeri, gumhanadan aşaky bölegi.

**GUMGAN** [gumğa:n], *at.* Suw guýlup, el-ýüz ýuwmak üçin ulanylýan uzyn jüründikli mis kündük.

**GUM-GUKLUK** [gum-ğu:kluk], *syp.* Ses-siz-üýnsüzlik, yns-jyns ýokluk, dym-dyrslyk; çolalyk. *Häzir onuň töweregi gum-gukluk bolup, şemalsyz güneş örän çogluja duýulýardy* (B. Kerbabaýew).

**GUM-GUMURSY**, *at,ser.* **Gum 3**.

**GUMHANA** [gumha:na], *at.* Pil sapyny geýdirmek üçin ýarym aý şekilinde eplenip, piliň iç ýüzünde mis arkaly tutdurylan ýa-da dört sany çüý bilen berçinlenen ýazgynja demir bölegi.

**GUMJUK**, *at,gepl.d.* Gum garyndyly, gum ýaly ýumşak.

**GUMJUMAK** [gumjumok], *at.* Gum pisint, gum görnüşli.

**GUMLAMA** [gumlomo], *iş ady.* Gumlamak ýagdaýy.

**GUMLAMAK** [gumlomok], *işl.* **1**. Ösümligiň we ş.m. düýbüne gum dökmek, düýbüne gum üýşürmek. *Joýanyň içiniň öl topragy bilen olaryň düýplerini gumlap çykdy* (N. Esenmyradow). **2**. Mal ýatagyndaky ölüň, çygyň üstüni gum bilen örtmek, gum, çäge sepmek. *Sygyr döläniň içini gumlamak.*

**GUMLAMAKLYK** [gumlomokluk], *iş ady.* Gumlamak işi.

**GUMLAMAZLYK** [gumlomozluk], *iş ady.* Gumlap çykmazlyk.

**GUMLANMAK** [gumlonmok], *işl.* **1**. Ösümlikleriň düýbüne gum üýşürilmek, gum dökülmek. *Jöwenleriň düýpleri gumlandy*. **2**. Ölüň, çygyň üsti gum bilen örtülmek.

**GUMLAŞDYRMAK** [gumloşdurmok], *işl.* **1**. Ösümligiň we ş.m. düýbüni gumlap çykmak, düýbüne gum üýşürişdirmek. *Ýazlyk kelemleriň düýbüni gumlaşdyrdym.* **2**. Mal ýatagyna, mallaryň aşagyna gum ýa-da çäge döküşdirmek.

**GUMLAŞMAK** [gumloşmok], *işl.* **1**. Birine gumlamaga kömek etmek. *Kelemleriň düýbüni gumlaşdym.***2**. Bilelikde gumlamak (*gumlamak* işligi hal işligiň *-yp* goşulmasyny kabul edenden soň *ýörmek* işligi getirilip ulanylýar). *Adamlar gämikleriň düýbüni gumlaşyp ýördüler.*

**GUMLATMAK** [gumlotmok], *işl.* Gumlamak işini başga birine etdirmek. *Ýazlyk kelemiň düýbüni gumlatmak. Sygyr ýatagyny gumlatmak.*

**GUMLAÝYŞ** [gumloýuş], *iş ady.* Gumlamak ýagdaýy.

**GUMLUK**, *at.* **1**. Tutuş gum bolup ýatan ýer. *Şondan aňyrdan bolsa melemtil gumluk başlanýardy* (B. Annageldiýew). **2**. Ürpük gumly, tozanlyk (köçe, ýol hakynda). *Gumluk ýoldan daş ýola düşdük.*

**GUMLURAK** [gumlura:k], *syp.* Gum garyndyly, çala gumly.

**GUMLY I**, *syp.* Gum garyndysy bar bolan, gum garylan, hapa, arassa däl. *Gumly künji. Gumly duz.*

**GUMLY II**, *syp.* Gumuň ýaşaýjysy ýa-da asly, ýerligi şol ýerden bolan (adam). *Bir seretseň, gülüp bakan, Bir seretseň, gamly gelin, Gumly gelin, gumly gelin* (K.Gurbannepesow).

**GUMRA** [gumro], *at*, *ser*. **Gumhana**.

**GUMRALAÝYN:gumralaýyn guýmak** gazanyp, köp mukdarda pul getirmek, gazanjyny getirmek (öýüne, hojalygyna we ş.m.). *Ol özüni oňaryp işlän mahallary maşgalasyny hor etmändi, baý, gumralaýyn guýandyr-a.*

**GUMRY**, *at.* Kepderiler maşgalasyna degişli bolup, ″gurrup-gurrup″ edip saýraýan musyjadan ulurak guş. *Gumrular owaz bilen, Tawus işi näz bilen, Kaknus guş müň saz bilen, Şol Hindistan içinde* (Magtymguly).

**GUMSALT** [gumsolt], *syp.*, *ser.* **Gumak**.

**GUMSAW** [gumsow], *syp.*, *ser.* **Gumsalt**. *Gumsaw ýer.*

**GUMUK**, *at,ser.* **Gumuklar**. *Gumuk dili. Gumuk edebiýaty.*

**GUMUKLAR** [gumuklor], *at.* Dagystanyň ilatynyň bir bölegini düzýän türki dilli halk.

**GUMURSGA** [gumursğo], *at.* Adamlaryň ýa-da haýwanlaryň köpçülikleýin üýşmegi. *Ol ýer adamlardan gumursgady*.

**GUNAN** [gunon], *at.* Iki ýaşan erkek taý. *Ilki bilen ýaş gunanlar dürli aralyga goýberildi.*

**GUNANÇA** [gunonço], *at.* Kiçijik gunan. *Jeren baýtal ýok we bir gunança ýok* (″Görogly″).

**GUNÇA** [gunço], *at.* **1**. Doly açylmadyk gül naýçasy, gülüň gozasy. *Gunçanyň söwdügi, pudagy güldür* (″Saýatly – Hemra″). **2**. Gyza dakylýan at.

**GUNÇALAMA** [gunçolomo], *iş ady.* Gunçalamak ýagdaýy.

**GUNÇALAMAK** [gunçolomok], *işl.* Gunça getirmek, gunça düwmek. *Güller gunçalapdyr.*

**GUNÇALAMAKLYK** [gunçolomokluk], *iş ady.* Gunçalamak ýagdaýy.

**GUNÇALAÝYŞ** [gunçoloýuş], *iş ady.* Gunçalamak ýagdaýy.

**GUNÇALYK** [gunçoluk], *at.* **1**. Gunça ýagdaýynda bolmaklyk, heniz açylmadyk (bägül hakynda). **2**. *göç.m.* Ýaşlyk, heniz kemala gelmedik, gögelelik (adam hakynda). *Birden gunçalykda saralyp soldy* (″Edebiýat we sungat″).

**GUNDA** [gunno], *at.* Saýmak üçin üýşürilen bir üýşmek pagta, bir saýymlyk pagta. *Saýylan pamygyň gundasy.*

**GUNDABERMEK** [gunna:vermek], *işl.* Gundamak işine başlamak, gundap ugramak. *Sen agtygyňy gundaber, men eşiklerimi geýeýin.*

**GUNDAG** [gunnoğ] **I**, *at.* Çaganyň el-aýagynyň dogry ösmegi we üşemezligi üçin, arlygyň üstünden dolanýan mata; daşky örtük. *Gundagdaky çagany ekläp kemala getirmek aňsatmy näme?* (″Edebiýat we sungat″).

**GUNDAG** [gunnoğ] **II**, *at.* **1**. Tüpeňiň demir böleklerini birleşdirýän berk agaçdan ýörite ýasalan bölegi. *Olar tüpeňleriniň gundagyny gysymlap, edil çüýlenen ýaly bolup ýatyrdylar* (B. Kerbabaýew). **2**. *gepl.d.* Tamdyranyň gapak oturdylan bölegi, kädisi.

**GUNDAGBAG** [gunnoğva:ğ], *at.* Gundag çözlenmez, açylmaz ýaly onuň daşyndan daňylýan ýörite ýüp.

**GUNDAGLAMA** [gunnoğlomo], *iş ady.* Gundaglamak ýagdaýy.

**GUNDAGLAMAK** [gunnoğlomok], *işl.* **1**. Tüpeňe gundag oturtmak, gundag etmek. *Ol tüpeňi gundaglap boldy*. **2**. *gepl. d., ser.* **Gundamak**.

**GUNDAGLAMAKLYK** [gunnoğlomokluk], *iş ady.* Gundaglamak ýagdaýy.

**GUNDAGLANMAK** [gunnoğlonmok], *işl.* Gundag edilmek, gundag edilip berkidilmek.

**GUNDAGLAŞMAK** [gunnoğloşmok], *işl.* **1**. Gundaglamaga kömek etmek. **2**. Bile gundaglamak.

**GUNDAGLATMAK** [gunnoğlotmok], *işl.* Gundaglamak işini başga birine etdirmek, gundag etdirmek.

**GUNDAGLAÝYŞ** [gunnoğloýuş], *iş ady.* Gundaglamak ýagdaýy.

**GUNDALMAK** [gunnolmok], *işl.* Daşyna gundag dolanmak, gundag bilen örtülmek. *Dokuz aýy ötürip, inip jahana geldiň, Emip ene süýdüni, gundalyp dona geldiň* (Magtymguly).

**GUNDAMA** [gunnomo], *iş ady.* Gundamak ýagdaýy.

**GUNDAMAK** [gunnomok], *işl.* Çagany gundaga dolamak, gundaga salmak. *Bäbegi gundamak.*

**GUNDAMAKLYK** [gunnomokluk], *iş ady.* Gundamak ýagdaýy.

**GUNDAŞDYRMAK** [gunnoşdurmok], *işl.* Bäbekleri ýeke-ýekeden gundaga dolap çykmak, gundap çykmak.

**GUNDAŞMAK** [gunnoşmok], *işl.* **1**. Gundamaga kömek etmek. *Gaýyn enesi gelnine onuň çagasyny gundaşdy.* **2**. Bile gundamak. *Enekeler çagajyklary gundaşyp durdular*.

**GUNDATMAK** [gunnotmok], *işl.* Gundamak işini başga birine etdirmek. *Çagany gundadyp ýatyrdym.*

**GUNDAÝYŞ** [gunnoýuş], *iş ady.* Gundamak ýagdaýy.

**GUNDUZ** [gunnuz], *at.* Suwda ýaşaýan ak, garamtyl-goňur reňkli, gymmatbaha derili süýdemdiriji haýwan; şeýle hem şol haýwanyň derisinden tikilen telpek. *Ýokarda ýyldyz, Telpegi gunduz, Jana-jan aşygym, Gelsene gündiz!* (Halk döredijiliginden).

◊ **Gunduz ýaly (kimin, dek)** ap-ak, çendenaşa ak, çuw ak. *Onuň gunduz ýaly ap-ak, düzüm-düzüm sagdyn dişleri bardy*.

**GUNT**, *at, kön.s.* Künde, gandal.

◊ **Gunt düşen ýaly (dek) 1)** çakdanaşa agyr, gaty agyr. **2)** ýerlikli, göwnejaý, pähimli. *Onuň sözleri gunt düşen ýalydy.*

**GUPBA** [gupbo], *at, zergärç.* Gyzlaryň tahýasynyň depesine dakýan, aşagy güberçek, ýokarsy turbajykly, şelpeli, gyzyl çaýylan kümüş bezeg şaýy.

◊ **Gupba ýaly** gelşikli, owadan, ýerbe-ýer (jaý, öý hakynda).

**GUPBALY** [gupboly], *syp.***1**. Depesi güberçekli, gupba şekilli tegelek gurluşly (jaý hakynda).**2**. Gupba dakylan. *Gupbaly tahýa*.

**GUP-GURY**, [gup-gu:ry], *syp.*, *ser.* **Gus-gury**. *Gup-gury odun.*

**GURAGYRY** [gu:ra:ğyry], *at.* Ýiti syzlap agyrýan, damarda we bogunda döreýän kesel, goýaň. *Ol guragyrydan ejir çekýärdi.*

**GURAGYRYLY** [gu:ra:ğyrly], *syp.* Guragyry bilen kesellän. *Guragyryly bolsaň, çyg ýaramaz.*

**GURAK** [gurok], *syp.* **1**. Ygalsyz, ýagynsyz (ýyl, howa we ş.m. ). *Bu aýda gurak hem çygly, maýyl we sowuk günler bolup biler.* **2**. Yzgarsyz, çygsyz, nemsiz gury (toprak we ş.m. hakynda). **3**. Suwly däl, suwy az ýa-da suwsuz (köplenç, nahar, iýmit hakynda). *Ol gurak iýmitleri iýmäni gowy görerdi*. **4**. *göç. m.* Täsirsiz, şüwlümsiz, gowşak, gyzykly bolmadyk (söz we ş.m. hakynda). *Kellesin galdyrman gepledi gurak* (K. Gurbannepesow). *Makala gurak çykypdyr*.

**GURAKÇYLYK** [gurokçuluk], *at, ser.* **Guraklyk**.

**GURAKLAŞMA** [guroklosmo], *iş ady.* Guraklaşmak ýagdaýy.

**GURAKLAŞMAK** [gurokloşmok], *işl.* Gar, ýagyş ýagman, ygal düşmän, gurak bolup başlamak. *Sährалarda howa barha guraklaşýar.*

**GURAKLAŞMAKLYK** [gurokloşmokluk], *iş ady.* Guraklaşmak ýagdaýy.

**GURAKLAŞYŞ** [gurokloşuş], *iş ady.* Guraklaşmak ýagdaýy.

**GURAKLYK** [gurokluk], *at.* **1**. Uzak wagtlap ygal düşmezligi, gar, ýagşyň ýagmazlygy sebäpli howanyň gurak bolmagy. **2**. Yzgarsyzlyk, çygsyzlyk, nemsizlik. **3**. *göç.m.* Täsirsizlik, gyzykly dällik.

**GURAKSY** [guroksy], *syp.* **1**. Öli-çygy az bolan, yzgary, nemi giden. *Guraksy ýer.* **2**. *göç.m.* Göwünli-göwünsiz; täsirsiz, gyzyksyz. *Guraksy adam.*

**GURAKSYRAK** [guroksura:k], *syp.* Guraksa golaý, guraksyrak.

**GURAKSYRAMA** [guroksuromo], *iş ady.* Guraksyramak ýagdaýy.

**GURAKSYRAMAK** [guroksuromok], *işl.* Suwsamak, suw islemek, öli-çygy, yzgary, nemi gitmek (toprak, ýer we ş.m. hakynda). *Guraksyran ýerler ganyşdy*.

**GURAKSYRAMAKLYK** [guroksuromokluk], *iş ady.* Guraksyramak ýagdaýy.

**GURAKSYRAÝYŞ** [guroksuroýuş], *iş ady.* Guraksyramak ýagdaýy.

**GURAL** [gura:l], *at.* Zat ýasamak, bejermek üçin ulanylýan, dürli hyzmaty ýerine ýetirýän enjam, şaý, serişde, esbap. *Är öwner, gural işlär* (Nakyl).

**GURALMAK** [gurolmok], *işl.* Bir maksat üçin ýola goýulmak, döredilmek, esasy tutulmak.

**GURAMA** [guromo] **I**, *iş ady.* Guramak ýagdaýy.

**GURAMA** [guromo] **II**, *at.* **1**.Her hili böleklerden taýýarlanan, ýasalan, tikilen zat. *Bazar adamlarynyň egin-eşikleri örän dürli bolup, gurama kürtä çalym edýärdi* (B. Kerbabaýew). **2**. Jemgyýetçilik birleşigi ýa-da döwlet edarasy. **3**. *dokm.* Haly, palas we ş.m. dokamak üçin çarçuwa görnüşündäki sökülüp düzülýän ýörite agaç ýa-da demir gural, enjam.

**GURAMA** [gu:romo], *iş ady.* Guramak ýagdaýy, guraýyş derejesi.

**GURAMAÇY** [guromoçy], *at.* **1**. Bir zady guraýan, bir zadyň başyny başlaýan adam, edara, kärhana. *Bu işiň guramaçysy biziň edaramyz.* **2**. Guramaçylyk işine ukyply, işi guramagy, köpçülik bilen işlemegi başarýan adam. *Ol örän sada hem örän guramaçy adamdy* ("Edebiýat we sungat").

**GURAMAÇYLYK** [guromoçuluk], *syp.* **1**. Bir işi guramaga, düzgünli alyp barmaga, köpçülige ýolbaşçylyk etmäge degişli. *Guramaçylyk işleri*. **2**. *at*. Guramaçy bolmaklyk, guramaçy bolmaga ukyp. *Käbirimize guramaçylyk ýetenok*.

**GURAMAÇYLYKLY** [guromoçulukly], *syp.* Guramaçylyga degişli bolan, bir zady oňat guramaga gönükdirilen düzgün-tertipde. *Ilat ýazuwy guramaçylykly geçirildi.*

**GURAMAÇYLYKLYLYK** [guromoçulukluluk], *at.* Guramaçylykly ýagdaýda bolmaklyk. *Adamlaryň iş başarjaňlygy olaryň guramaçylyklylygynda ýüze çykýar*.

**GURAMAÇYLYKSYZ** [guromoçuluksuz], *syp.* Guramaçylykly bolmadyk, düzgünsiz, başly-barat. *Guramaçylyksyz gurlan ýaryş ýaramaz netije berer.*

**GURAMAK** [guromok], *işl.* **1**. Jemgyýetçilik häsiýetli bir zady, edarany döretmek, esasyny düzmek, ugrukdyrmak. **2**. Ýola goýmak, tertibe salmak, berjaý etmek. *Işleri maksadalaýyk guramak*. **3**. Bölek-bölek zatlardan düzülmek, gurnamak.

**GURAMAK** [gu:romok], *işl.* **1**. Öli, çygy, nemi aýrylmak, sarykmak, çalykmak. *Oglanyň egnindäki köýnegi kem-kemden guraýardy* (N. Jumaýew). **2**. *gepl.d.* Juda arryklamak, gaty horlanmak, iglemek. *Halys gurapdyr-la, oňa näme bolýarka?* **3**. *göç.m.* Ýok bolmak, aýrylyp gitmek. *Uruş gurasyn.* **4**. Ösüşden galmak, solup gitmek. *Ýandak gurapdyr*.

**GURAMAKLYK** [guromokluk], *iş ady.* Guramak ýagdaýy.

**GURAMAZLYK** [gu:romozluk], *iş ady.* Öli, çygy, nemi aýrylmazlyk, sarykmazlyk, çalykmazlyk. *Serlen eşikler entek guramandyr.*

**GURANMAK** [gu:ronmok], *işl.* Öl, çyg ýeriňi guratmak.

**GURAŞDYRMAK** [guroşdurmok], *işl.* Işleri ýola goýuşdyrmak, tertibe salyşdyrmak.

**GURAŞMAK** [gu:roşmok], *işl.* Gurap başlamak, yzgary çekilişmek, sarygyşmak, birneme çalykmak. *Ýer guraşypdyr. Serlen eşikler şemala guraşypdyr.*

**GURAT** [gurot],*syp.* **1**. Jany sag, sagat, sagdyn, guraw. *Ol gaty gurat adam.* **2**. Etli-ganly, doly, semiz. *Goýun sürüleri gurat, ýüňi ýetik.* **3**. *ser.* **Gurgun**. **4**. Saz işleýän, abat, bir kemsiz (gural, mehanizm hakynda). *Maşynlarymyzyň hemmesi hem gurat.*

**GURATDYRMAK** [gu:rotdurmok], *işl.* Öl, çyg zatlary serip, şemala we ş.m. çalykdyrtmak, çygyny kepdirtmek, gurar ýaly etdirtmek.

**GURATLANMA** [gurotlonmo], *iş ady.* Guratlanmak ýagdaýy.

**GURATLANMAK** [gurotlonmok], *işl.* **1**. Sagalyp başlamak, etine-ganyna çykyp ugramak. *Häzir onuň süňňi ýeňildi, argyn damarlary gaýtadan guratlanyp, ýüz keşbi ýagtylypdy* (G. Kulyýew). **2**. Maddy taýdan özüňi tutmak, üpjün bolmak. *Pylanynyňam-a bolşy guratlanana meňzeýär.*

**GURATLANMAKLYK** [gurotlonmokluk], *iş ady.* Guratlanmak ýagdaýy.

**GURATLANYŞ** [gurotlonuş], *iş ady.* Guratlanmak ýagdaýy.

**GURATLYK** [gurotluk], *at.* **1**. Jany saglyk, sagatlyk, özüňi gowy duýmaklyk. **2**. Etli-ganlylyk, dolulyk, semizlik. *Dowarlaryň guratlygyna söz ýok.* **3**. Saz işlemeklik, abatlyk, bir kemsizlik (gural, mehanizm hakynda). *Tehnikanyň guratlygyny gazanmak gerek.*

**GURATMAK** [gu:rotmok], *işl.* **1**. Öl, çyg bolan zatlary oda ýa-da güne, şemala tutup, serip çalykdyrmak, ölüni, çygyny kepdirmek. *Olar ýyglan pagtalary serip guradýarlar.* **2**. Batgalygyň suwuny çekdirmek, ekin meýdany üçin peýdalanar ýaly edip bejermek. **3**. Gögerip oturan agaçdyr ekinlere suw bermän, olary guramak katdyna ýetirmek. *Bu üzümleri guradaýypsyň-la?!*

**GURAW** [gurow], *syp.*, *gepl.d.* Gurgun. – *Dost, gurawmysyň?*

**GURAWLYK** [gurowluk], *at, gepl.d.* Gurgunlyk, saglyk.

**GURAÝAK** [gu:raýak], *syp.* Yrsgalsyz, döwletsiz, baran ýa gelen ýerini guradyp barýan, garyp düşürýän.

**GURAÝYŞ** [guroýuş], *iş ady.* Guramak ýagdaýy.

**GURAÝYŞ** [gu:roýuş], *iş ady.* Guramak ýagdaýy.

**GURBAGA** [gurva:ğa], *at.* Art aýaklary uzyn, suwda we gury ýerde ýaşaýan guýruksyz, böküp hereket edýän jandar. *Garynja gara günde, gurbaga saz bilen söhbetde* (Nakyl).

**GURBAGAGÖL** [gurva:ğağö:l], *at.* Halynyň uly gölüniň gapdalyndan salynýan nagyş.

**GURBAN** [gurva:n] **I**, *at.* **1**. Musulmanlaryň hijri-kamary aý hasabynda on ikinji aýyň ady. **2**. Adam ady.

**GURBAN** [gurva:n] **II** *at.* **1**. Öz janyňy goýup edilýän pida. **2**. Gowy görlüp aýdylýan söz. *Men seniň adyňa gurban!*

◊ **Gurban bolmak** bir zadyň ugrunda, bir zat üçin janyňdan geçmek, wepat bolmak. **Gurban etmek** bir iş, zat üçin jandan geçmek, janyňy pida etmek, bir iş ugrunda janyňy bermek; bir zada pida etmek, bagyş etmek. *Ol biziň üçin janyny gurban etdi*.

**GURBANLYK** [gurva:nlyk], *at.* **1**. Her ýylyň gurban aýynda üç günläp edilýän baýram. **2**. Gurban aýynda baýram etmek üçin niýetlenen, gurban berilýän mal. *Gurbanlyk üçin alnan işşek.*

**GURBANŞOR** [gurva:nşo:r], *at.* Gurbanlyk mynasybetli gün dogmazyndan oň suw akydynmaklyk, ýuwunmaklyk, suwa düşmeklik.

**GURBAT** [gurvot], *at.* Adamyň güýç-kuwwaty ragbaty, ysgyn-deramaty.

**GURBATLANMA** [gurvotlonmo], *iş ady.* Gurbatlanmak ýagdaýy.

**GURBATLANMAK** [gurvotlonmok], *işl.* Kem-kemden güýç ýygnamak, güýçli bolmak.

**GURBATLANMAKLYK** [gurvotlonmokluk], *iş ady.* Gurbatlanmak ýagdaýy.

**GURBATLANYŞ** [gurvotlonuş], *iş ady.* Gurbatlanmak ýagdaýy.

**GURBATLY** [gurvotly], *syp.* Gurbaty bar, gurbatsyz däl.

**GURBATLYLYK** [gurvotluluk], *at.* Gurbaty bar-lyk, gurbatsyz dällik, gurbatly bolmaklyk.

**GURBATSYZ** [gurvossuz], *syp.* Gurbaty ýok, gurbatly däl.

**GURBATSYZLYK** [gurvossuzluk], *at.* Gurbaty ýokluk, gurbatly dällik, gurbatsyz bolmaklyk.

**GURÇUK**, *at.* Uzyn bedenini ýygryp hereket edýän, oňurgasyz bogun-bogun jandar. *Ýüpek gurçugy.*

**GURÇUKLAMA** [gurçuklomo], *iş ady.* Gurçuklamak ýagdaýy.

**GURÇUKLAMAK** [gurçuklomok], *işl.* Gurçuk düşmek, gurçuk döremek. *Alma gurçuklapdyr.*

**GURÇUKLAMAKLYK** [gurçuklomokluk], *iş ady.* Gurçuklamak ýagdaýy.

**GURÇUKLATDYRMAK** [gurçuklotdurmok], *işl.* Gurçuk düşürtmek, gurçuk düşürdip zaýalatdyrmak, gurçugyň düşmegine ýol bermek.

**GURÇUKLATMAK** [gurçuklotmok], *işl.* Gurçuk düşürmek, gurçuk düşürip zaýalatmak.

**GURDALMAK** [gu:rdolmok], *işl.* Jübtek bilen gurdy aýrylmak, gurtdan saplanmak. *Düýäniň gurdy gurdaldy*.

**GURDAMA** [gu:rdomo], *iş ady.* Gurdamak ýagdaýy.

**GURDAMAK** [gu:rdomok], *işl.* Malyň ýarasyna düşen gurdy jübtek ýa-da başga bir zat bilen aýyrmak. *Goýnuň, geçiniň ýarasyna düşen gurdy gurdamak.*

**GURDATMAK** [gu:rdotmok], *işl.* Gurdamak işini başga birine etdirmek.

**GURDUKMAK** [gu:rdukmok] **I**, *işl.*, *ser.* **Gurtlamak**.

**GURDUKMAK** [gu:rdukmok] **II**, *işl.* Sürä gurt, möjek çozup, darap sürini, mallary zaýalamak.

**GURDURMAK** [gurdurmok], *işl.* Gurmak işini başga birine etdirmek.

**GURGUN** [gurğun], *syp.***1**. Sag, jan saglygy oňat, sagdyn, sagat. – *Gurgunmy? Haçan geldiň?* **2**. *göç.m.* Maddy taýdan üpjün, gurply, barly. *Biz gaty gurgun ýaşaýarys*.

**GURGUNÇYLYK** [gurğunçuluk], *at, ser.* **Gurgunlyk1**. *Salam iberenem, getirenem sag bolsun, gurgunçylykmy özi?* ("Edebiýat we sungat").

**GURGUNLAŞMA** [gurğunloşmo], *iş ady.* Gurgunlaşmak ýagdaýy.

**GURGUNLAŞMAK** [gurğunloşmok], *işl.* **1**. Keselden açylyşmak, gowulaşmak, etine-ganyna çykyp sagdynlaşmak. *Keselden soň birneme gurgunlaşdym*. **2**. *göç. m.* Oňat ýaşap başlamak, gurplanmak. *Olaryň oglanlary ýetişip, işläp başlaly bäri gurgunlaşypdyrlar.*

**GURGUNLYK** [gurğunluk], *at.* **1**. Jany saglyk, guratlyk. **2**. Gurplulyk, barlylyk, maddy taýdan üpjünlik.

**GUR-GUR** [gur-ğur], *s. ş. aňl. söz.* Gurbaganyň ýaşyl reňklisi däl-de, kül reňkindäki gurlawuk diýen görnüşi yzly-yzyna seslenende çykarýan sesi.

**GURHAN** [gurha:n], *at.* Yslam dininiň düzgünlerini we şerigatyň beýanyny öz içine alýan mukaddes kitap.

**GURJAK** [gurjok], *at.* Adamyň, çaganyň keşbine meňzedilip ýasalýan çaga oýnawajy.

◊ **Gurjak teatry** adamyň ýa-da haýwanyň şekiline meňzedilip oýun görkezilýän teatr. **Gurjak ýaly** gelşikli, owadan. *Iş otagymy gurjak ýaly bezedim* (T. Jürdekow).

**GURJANKEL** [gurjonkel], *at. (haýwanat d.)* Döşi ak, gerşi gara, uzyn egri boýunly suw guşy.

**GURLAMA** [gurlomo], *iş ady.* Gurlamak hereketi.

**GURLAMAK** [gurlomok], *işl.* Gur-gur edip seslenmek. *Gurlawuk gurlaýar*.

**GURLUŞ I**, at Döwlet, jemgyýetçilik gurluşynyň ulgamy. *Jemgyýetçilik gurluşynyň üýtgeýän halatynda ähli işi birden amala aşyryp bolmaýar* ("Türkmenistan").

**GURLUŞ II**, *at.* **1**. Bir zadyň düzüliş, ýasalyş düzgüni. *Okuwçylar gezelenç edýärkäler, derýanyň geçýän ugruna we onuň gurluşyna gyzyklanmak bilen syn etdiler* ("Mugallymlar gazeti"). **2**. Sözlemde sözleriň baglanyş tertibi. *Söz we onuň gurluş hilleri.*

**GURLUŞYK** [gurluşuk], *at.* **1**. Jaý, kärhana, desga we ş.m. gurmak bilen bagly iş. **2**. Bir zady döretmek, gurmak, ýola goýmak bilen baglanyşykly geçirilýän çäre, iş. *Oba gurluşygy. Ýol gurluşygy.*

**GURLUŞYKÇY** [gurluşukçy], *at.* Gurluşyk işinde işleýän, gurluşyk işine gatnaşýan, gurluşygy alyp barýan adam. *Gurluşykçy bolup işlemek*.

**GURMA** [gurmo], **1**. *iş ady.* Gurmak işi. **2**. *at.* Balyk tutmak üçin gurulýan tor esbaplary.

**GURMAK** [gurmok], *işl.* **1**. Bir zady bina etmek, salmak, dikmek. *Jaý gurmak. Bent gurmak. Köpri gurmak.* **2**. Emele getirmek, düzmek, döretmek. *Garaşsyz döwlet gurmak. Adalatly jemgyýet gurmak.* **3**. Gapan, duzak ýaly aw gurallaryny aw tutmaga taýýar edip goýmak. *Gapan gurmak*. *Çirtmek gurup goýmak*. **4**. Tow berip, belli bir wagta sazlap goýmak (sagat hakynda). *Sagady üçe gurduk*. **5**. Gan ýeterlik derejede barman, adamyň eli, aýagy we ş.m.ýeri doňmak, guruşmak. *Eliň gurmak*.

**GURMAKLYK** [gurmokluk], *iş ady.* Gurmak ýagdaýy.

**GURNALMAK** [gurnolmok], *işl.* **1**. Bölek-büçek zatdan ýasalmak, tikilmek. **2**. Dürli şaýlardan bir bitewi enjam, mehanizm düzülmek. **3**. *gepl.d.* Guralmak.

**GURNAMA** [gurnomo], **1**. *iş ady*. Gurnamak işi. **2**. *syp*. Dürli reňkdäki mata böleklerinden gurnalan zat. *Çaganyň gurnama kürtekçesi*.

**GURNAMAK** [gurnomok], *işl.*, **1**. Dürli reňkdäki mata böleklerinden zat tikmek. **2**. Dürli şaýlardan bir bitewi enjamy, mehanizmi düzmek. **3**. *gepl.d.* Guramak.

**GURNAŞDYRMAK** [gurnoşdurmok], *işl.* Birin-birin gurnap çykmak.

**GURNAŞMAK** [gurnoşmok], *işl.***1**. Gurnamaga kömekleşmek. **2**. Bileleşip gurnamak . *Ussalar elektrik geçirijilerini gurnaşyp ýördüler.*

**GURNATMAK** [gurnotmok], *işl.* Gurnamak işini birine etdirmek. *Toýy gurnatmak.*

**GURNAÝJY** [gurnoýjy], *at*. Enjamy, mehanizmi düzýän, sazlaýan işgär.

**GURP** [gurup], *at.* **1**. Fiziki güýç, kuwwat, gurbat; ragbat, ysgyn. **2**. Maddy taýdan üpjünçilik, mal, mülk, baýlyk.

◊ **Gurba getirmek** *ser.* **Gurp bermek**. **Gurby ýetmek (çatmak) 1)** bir iş etmäge güýji-kuwwaty bolmak, gurbaty bolmak. **2)** maddy taýdan mümkinçiligi bolmak, gazanjy ýetmek. *Ýekeje gyzymyzyň göwnüne degmäli diýşip, öz gyzlaryny ýaňky ýigide berip, gurplarynyň ýetdiginden toý edipdirler* (Erteki). **Gurp bermek** güýç bermek. **Gurpdan düşmek 1)** güýç-kuwwatyň gitmek, ysgynyň gaçmak. **2)** maddy taýdan horlanmak, garyplaşmak. **Gurp gelmek** güýç gelmek, özüňi dürsemek.

**GURPLANDYRMAK** [guruplonnurmok], *işl.* **1**. Birneme semretmek, daýandyrmak, gurply etmek. *Hor düşen goýunlary gurplandyrmak*. **2**. Durmuş ýagdaýyny gowulandyrmak, maddy taýdan üpjün etmek, ykdysady taýdan aýaga galdyrmak. **3**. Dökün döküp, bejergi geçirip, ýeri küpürsäp ýatan topraga öwürmek.

**GURPLANMA** [guruplonmo], *iş ady.* Gurplanmak ýagdaýy.

**GURPLANMAK** [guruplonmok], *işl.* **1**. Güýç toplap, özüňe gelmek, daýanmak. *Siz özüňiz hem güneşli Türkmenistanyň şerbetli miwesinden gurplanyp, täze güýç bilen gelersiňiz!* (B. Kerbabaýew). **2**. Maddy taýdan özüňi tutmak, ykdysady taýdan galkynmak, durmuş ýagdaýy ýokarlanmak. *Erjel adamlaryň gurplanmagy üçin mümkinçilik köp.*

**GURPLANYBERMEK** [guruplonuvermek], *işl.* **1**. Daýanyp başlamak. **2**. Kem-kemden gurply bolmak, gurplanyp ugramak.

**GURPLANYŞ** [guruplonuş], *iş ady.* Gurplanmak ýagdaýy.

**GURPLY** [guruply], *syp.* Gurby bar, gurpsyz däl. *Gurply adam. Gurply ýaşamak. Gurply toprak.*

**GURPLULYK** [gurupluluk], *at.* Gurby barlyk, gurpsyz dällik, gurply ýagdaýda bolmaklyk. *Topragyň gurplulygy.*

**GURPSUZ** [gurupsyz], *syp.* Gurby ýok, gurply däl. *Gurpsuz göwre*. *Gurpsuz toprak.*

**GURPSUZLYK** [gurupsuzluk], *at.* Gurby ýokluk, gurply dällik, gurpsyz ýagdaýda bolmaklyk. *Ol özünde ýene gurpsuzlyk syzyp, öýe gidip gyşarmaga, dynç almaga meýil etdi* (B. Kerbabaýew). *Ýeriň gurpsuzlygy*.

**GURRA** [gurro], *at.* Pal.

◊ **Gurra taşlamak** pal atmak. *Mama gurra taşlady* ("Şasenem – Garyp"). *Ýaşymyň soňunda taşladym gurra, Nesip bolsa, garry gurda ýaş berre* (Kemine). **Gurrasy duşmazlyk** bir iş wagty bilen başa barmazlyk, wagty bilen edip bolmazlyk, bolar ýerde bolmazlyk, köp garaşdyrmaklyk, öňi-ardy gelmezlik, eglemeklik. *Aý, näbileýin. Ikimiziň gurramyz duşýança, boljak iş bolaýmasa* (G. Kulyýew).

**GURRAÇY** [gurroçy], *at,ser.* **Gurrandaz**. *Müneçjimler kitap açdylar, gurraçylar gurra taşladylar* ("Hüýrlukga – Hemra").

**GURRAÇYLYK** [gurroçuluk], *at, ser.* **Gurrandazlyk**.

**GURRANDAZ** [gurronna:z], *at.* Gurra taşlaýan, pal atýan, palçy. *Gurrandazlar gurra saldy, müneçjimler kitap açdy, palmanlar pal garady* ("Görogly").

**GURRANDAZLYK** [gurronna:zlyk], *at.* Gurrandazyň käri, ýagdaýy.

**GURRUK**, *at.* **1**. Ulanylman taşlanan, gömlüp galan suwsuz guýy. *Olar birnäçe wagtdan soň bir gurruk guýynyň agzyna barypdyrlar* ("Myraly"). **2**. *göç.m.* Süýdi juda az berýän, süýtsüz (sygyr hakynda).

**GURRUK-GURRUK**, *at.* Gurbaga ýaly jandarlaryň, durna ýaly guşlaryň çykarýan sesi.

**GURRULDAMA** [gurrullomo], *iş ady.* Gurruldamak ýagdaýy.

**GURRULDAMAK** [gurrullomok], *işl.* Gurruk-gurruk edip ses çykarmak.

**GURRULDAŞMAK** [gurrulloşmok], *işl.* Köp bolup gurruldamak, birnäçe bolup gurruldamak.

**GURRULDAÝYŞ** [gurrulloýuş], *iş ady.* Gurruldamak ýagdaýy.

**GURRULDY**, *at.* Gurbaga, gurlawuk ýaly jandarlaryň, durna ýaly guşuň çykarýan sesiniň ady.

**GURRUMSAK** [gurrumsok], *at, göd. s.* Adamkärçiliksiz, binamys, ar-namysy bilmeýän, gaýratsyz. *Özüni öwen akmak, aýalyny öwen gurrumsak* (Nakyl).

**GURRUMSAKLYK** [gurrumsokluk], *at.* Adamkärçiliksizlik, binamyslyk, ar-namysy bilmezlik, gaýratsyzlyk.

**GURSAK** [gursok], *at.***1**. Göwräniň öň tarapynyň ýokary bölegi, kükrek, döş, peteke. *Gursagym agyrýar*. **2**.*göç.m.* Kalp, ýürek.

**GURSAKÇA** [gursokço], *at.* **1**. Guşaklygyňdan ýokarsyny ýapýan, içine ýüň ýa-da pagta salnyp tikilen ýeňsiz ýyly eşik. *Täzeje gursakça.* **2**. *zergärç. s.* Aýallaryň döşüniň üstünden dakynýan, kümüşden ýasalyp, ýüzüne gyzyl çaýylan, ýüzi köp gaşly bezeg şaýy. *Onuň boýnunda goşa towuk, ondan asylyp duran*

*gursakça, gollarynda bäşgoşma bilezik, barmaklarynda hatara ýüzükdi* (B. Kerbabaýew).

**GURŞALMAK** [gurşolmok], *işl.* Daş-töweregine aýlanylmak, daşy alynmak, gabalmak. *Oba dag bilen gurşalypdyr.*

**GURŞAMA** [gurşomo], *iş ady.* Gurşamak ýagdaýy.

**GURŞAMAK** [gurşomok], *işl.* **1**. Hemme tarapyny baglamak, daşyny almak, daş-töweregini, ýüzüni tutmak. *Haýsydyr bir ugurdan güýçli ýalkym göterilip, älemi gurşaýar, garaňky asmanyň ýüzüni dym-ak edip, bir tarapa baka syrylyp gidýär* (A. Gowşudow). **2**. Biriniň daşyny, töweregini gallamak, daşyna üýşmek.

**GURŞATMAK** [gurşotmok], *işl.* Gurşap durar ýaly etmek.

**GURŞAÝYŞ** [gurşoýuş], *iş ady.* Gurşamak ýagdaýy.

**GURŞAW** [gurşow], *at.* **1**. Çelegiň we ş.m. daşyna berklik üçin geýdirilýän demir halka. *Elegiň daşynyň gurşawy demirden edilipdir*. **2**. Bir zadyň töweregini gurşap alýan zatlar. *Söz gurşawy*.

◊ **Gurşawy çykmak** gaty ýadamak, lüt bolmak, lütüň çykmak. **Daşky gurşaw** adamy gurşap alýan daş-töwerek, tebigat.

**GURŞUK**, *at.* Damarlara ganyň kadaly gelmezligi zerarly eliň ýa aýagyň doňan ýaly bolup, çümşüldäp duran ýagdaýy. *Aýagyň gurşugyny ýazmak.*

**GURŞUN**, *at.* Gögümtil-çal reňkli, ýumşak, tiz ereýän agyr metal, himiki element. *Gurşundan ok guýmak.*

◊ **Gurşun guýlan ýaly bolmak** agralmak, agyr bolmak. **Gurşun ýaly** agyr, agramy bar.

**GURŞUNLAMA** [gurşunlomo], *iş ady.* Gurşunlamak ýagdaýy.

**GURŞUNLAMAK** [gurşunlomok], *işl.* Gurşun bilen tutdurmak, gurşun guýmak. *Kenegi gurşunlamak.*

**GURŞUNLANMAK** [gurşunlonmok], *işl.* Gurşun bilen tutdurylmak, gurşun guýulmak.

**GURŞUNLAŞMAK** [gurşunloşmok], *işl.* Gurşunlamak işini başga biri bilen bile etmek. *Kenekleri gurşunlaşmak*.

**GURŞUNLATMAK** [gurşunlotmok], *işl.* Gurşunlamak işini başga birine etdirmek.

**GURŞUNLAÝYŞ** [gurşunloýuş], *iş ady.* Gurşunlamak ýagdaýy.

**GURŞUNLY**, *syp.* Öz düzüminde gurşun bar bolan (magdan hakda).

◊ **Gurşunly kenek** jikge tarapy deşilip, içine gurşun guýlan kenek. **Gurşunly kenek ýaly** salyhatly; güýçli, ykjam, gabyl. *Tüweleme, Mawym gurşunly kenek ýaly agrasdyr* (B. Kerbabaýew).

**GURŞUŞ**, *iş ady.* Guruşmak ýagdaýy.

**GURT**, *at.* Togalajyk-togalajyk edilip, serlip guradylan süzme. *Teläriň aşagynda gurt sermek*.

◊ **Gurt bolmak 1)** gymyldaman, gozganman ýygrylyp ýatmak. **2)** doňup, gatap galmak. **Gurt bolup oturmak** gymyldaman ýygrylyp oturmak (köplenç, garrylar hakda). **Gurt etmek** özüňe ýa-da başga birine degişli emlägi, puly sowurmak, harçlap gutarmak. *Ol kakasynyň beren puluny gurt etdi.*

**GURT** [gu:rt] **I**, *at.* **1**. Ite meňzeş çal reňkli ýyrtyjy haýwan, möjek, böri. *Gurt çagasyndan ekdi bolmaz* (Nakyl). **2**. Oglana dakylýan at.

◊ **Gurt arkasyndan guş doýmuş** güýçliniň arkasyndan gün görmek. **Gurtmusyň ýa tilki?** möhüm iş üçin giden adam gelende, iş bitirenligini ýa-da bitirmänligini bilmek üçin berilýän sorag. – *Kürşük aga, gurtmuň ýa tilki? Kän eglendiň, guda bolansyň belki* (Ç. Gurbangylyjow). **Gurt oýnuny gurmak (görkezmek, turuzmak)** gyran-jyran etmek, paýhyn etmek. *Duşmanlaryň başynda, Gurt oýnuny guranňy, Diňledim men barysyn* (R. Seýidow). **Gurt ýaly** gaty edermen, batyr.

**GURT** [gu:rt] **II**, *at.* Ýaşyl siňegiň tohumyndan emele gelýän aýaksyz, göwresi bilen süýşýän süňksüz möjejik. *Goýnuň ýarasyna düşen gurdy gurdap aýyrmak.*

**GURTLAMA** [gu:rtlomo], *iş ady.* Gurtlamak ýagdaýy, derejesi.

**GURTLAMAK** [gu:rtlomok], *işl.* Gurt düşmek, gurt döremek. *Biziň guzuly goýnumyz gurtlapdyr.*

◊ **Gurtlan gaýyň ýaly** bir ýerde durup bilmeýän, iki ýana hars urýan (adam, mal hakynda).

**GURTLATMAK** [gu:rtlotmok], *işl.* Gurt düşürmek, gurt döretmek. *Mallaryň ýaralaryny we gulaklaryny gurtladýan siňekler maldarçylygyň ganym duşmanlarydyr*.

**GURTLAÝYŞ** [gu:rtloýuş], *iş ady.* Gurtlamak derejesi.

**GURTLY** [gu:rtly], *syp.* Gurdy bar bolan. *Gurtly çebiş bir ýerde durup bilenokdy* ("Edebiýat we sungat").

**GURUGANÇYLYK** [gu:ruğonçuluk], *at, ser.* **Gurakçylyk**.

**GURUGANLYK** [gu:ruğonluk], *at. ser.* **Gurakçylyk**.

**GURUJY**, *at.* Nämedir bir zady gurýan, bina edýän adam. *Köpri gurujylar.*

**GURULGY** [gurulğy], *at.* **1**. Gulplangy, gulp urlup ýapylan. *Barlagçylar gelende gapy gurulgydy.* **2**. Bellenilen ýerde gurlup goýlan (gapan, duzak we ş.m. hakynda). *Sen gurulgy gapan ýaly ýazasyň gelip dur-ow*.

**GURULMAK** [gurulmok], *işl.* **1**. Bina edilmek, salynmak. **2**. Gurup goýulmak (gapan we ş.m. hakda).

3. Tow berlip, belli bir wagta sazlanyp goýulmak (sagat hakynda). *Sagat 5-e guruldy.*

**GURULTAÝ**, *at.* Bir uly guramanyň, belli bir topara degişli ilatyň we ş.m. wekilleriniň jemgyýetçilik-syýasy ýa-da ylmy häsiýetli ýygnagy.

**GURULYK** [gu:ruluk], *at.* **1**. Öl, çyg däl-de, gury halda bolmaklyk, çygsyzlyk, nemsizlik. **2**. *ser.* **Guruganlyk**.

**GURUM**, *at.* **1**. Oduň, tüssäniň emele getirýän garasy, gara ört gatlagy, düýdüň siňen garasy. **2**. Ýakylmak arkaly alynýan we senagatda önüm üçin peýdalanylýan çig mal.

**GURUMLAMA** [gurumlomo], *iş ady.* Gurum bilen örtüliş.

**GURUMLAMAK** [gurumlomok], *işl.* Gurum baglamak, tüsse siňip garalmak, gara ört bolmak. *Gurumlap giden tüýnük.*

**GURUMLAMAKLYK** [gurumlomokluk], *iş ady.* Gurumlamak ýagdaýy.

**GURUMLATMAK** [gurumlotmok], *işl.* Gurum baglatmak, tüsse siňip garaltmak.

**GURUMLAÝYŞ** [gurumloýuş], *iş ady.* Gurumlamak ýagdaýy.

**GURUNMAK** [gurunmok], *işl.* Özüň üçin gurmak. *Jaý gurunmak.*

**GURUŞDYRMAK** [guruşdurmok] **I**, *işl.* Birnäçesini gurup çykmak, yzly-yzyna gurmak, gurup gutarmak. *Gapanlaryny guruşdyryp, olaryň çitiklerine kädi, gawun-garpyz çigidini meň edip goýdy* (N. Esenmyradow).

**GURUŞDYRMAK** [guruşdurmok] **II**, *işl.* Bedeniň bir ýeriniň guruşmagyna ýol bermek (*ser.* **Guruşmak II**). *Gymyldaman köp oturup, aýagymy guruşdyraýypdyryn.*

**GURUŞMA** [guruşmo], *iş ady.* Guruşmak ýagdaýy.

**GURUŞMAK** [guruşmok] **I**, *işl.***1**. Gurmaga kömek etmek. *Ýowar güni ýaşlar gurluşykçylara jaý guruşmaga geldiler.* **2**. Bilelikde gurmak.

**GURUŞMAK** [guruşmok] **II**, *işl.* Ganyň damarlara kadaly gelmezligi sebäpli eliňde, aýagyňda çümşüldi peýda bolmak, el-aýagyň doňan ýaly bolmak. *Ol gurşan bedenini ýazmak üçin gerindi.*

**GURUW**, *at.* Adamyň beden gurluşy, beden ýasawy. *Daş guruwy gelşikli adam.*

**GURY** [gu:ry] **I**, *syp.* **1**. Öl däl, çygsyz, yzgarsyz, nemi giden. *Gury bede*. **2**. Ösmegi kesilen, gurap giden. *Ekseň bar getirmez, ol gury söwüt, Akylsyz nadanlar almaz hiç öwüt* (Magtymguly).

◊ **Gury aýaz** gyş aýlary guruganlyk howada bolýan gaty sowuk aýaz, ýüzüňi ýalap barýan çakyr aýaz.

**GURY** [gu:ry] **II**, *syp.* Biderek, netijesiz, boş. *Magtymguly, sözüň bilene sözdür, Bilmedik adama gury owazdyr* (Magtymguly).

◊ **Gury hyýal** başa barmagy mümkin ýa-da mümkin bolmadyk, esassyz, boş arzuw. **Gury san (bolmak)** bihepbe, hiç zadyň alnyndan däl, adam hatarynda görülmeýän, sana geçmeýän. **Gury söz** biderek, boş söz, hiç bir esasy bolmadyk, netije bermeýän söz, boş wada.

**GUSDURMAK** [gussurmok], *işl.* Iýenini agzyndan getirtmek, gaýtartmak; ýüregiňi bulamak.

**GUSDURYJY** [gussurujy], *syp.* Gusmaga, gaýtarmaga kömek edýän, gusduryp bilýän. *Gusduryjy serişde*.

**GUS-GURY** [gus-ğu:ry], *syp.* Gaty gury, çakdanaşa guran, yzgardan nam-nyşan galmadyk.

**GUSMA** [gusmo], *iş ady.* Gusmak ýagdaýy.

**GUSMAK** [gusmok], *işl.* Iýeniň agzyňdan gelmek, iýeniňi gaýtarmak. *Onuň ýüregi bulanyp, iýenini gusdy.*

**GUSMAKLYK** [gusmokluk], *iş ady.* Gusmak ýagdaýy.

**GUSSA** [gusso], *at.* Güýçli gaýgy-alada, gam. *Atаň pahyryň ýaşlygy gam bilen gussa içinde geçdi, köne güpbi bilen ham çarykdan başga zada gözi düşmedi* (G. Gurbansähedow).

**GUSSALY** [gussoly], *syp.* Gaýgyly, gamly, aladaly.

**GUSSALYLYK** [gussoluluk], *at.* Agyr gaýgy-gamlylyk, gaty gynanyp ýörmeklik, gussa çekmeklik.

**GUSUK**, *at.* Iýeniň ýüregiňe batman, ögemek arkaly gaýtarylýan zat.

**GUSUL**, *at.* Ýuwunma, suwa düşme.

◊ **Gusul etmek (eýlemek)** suwa düşmek, ýuwunmak.

**GUŞ I**, *at.* Oňurgalylar, ganatlylar maşgalasyndan bolan, iki aýakly, çüňkli, sütük we ýelek bilen örtülen, uçýan jandar.

◊ **Guş bolup uçmak** *ser*. **Guşy uçmak**. *Ol guş bolup uçdy.* **Guş goýbermek** (*tikinç.*) mäşirik bükdürilende ýüpüň tow almagy üçin iki igi pyrlap, gezek-gezegine aýlap goýbermek. **Guş salmak** aw guşuny aw awlamak üçin uçuryp goýbermek. *Guş salsalar awuň alar, Awlakly çölleri bardyr* ("Görogly"). **Guş tutmak** (*tikinç.*) mäşirik bükdürilende ýüpüň tow almagy üçin pyrlanyp goýberilen igi tutmak. **Guşy uçmak** bir zada gaty begenmek, şatlanmak. *Diýeniniň ýerine düşjegine gözi ýeten gyzyň guşy uçdy.* **Guş ýaly** ýeňil. **Guş ýürek** sähel zatdan gorkup, tisginip duran, gorkak.

**GUŞ II**, *at.* Çagalaryň "kepbäm guruldy" oýnunda eşekçileri döwçüleriň atlanmagyndan, münmeginden goraýan we olary eşekçilikden çykarýan sakçy. *Guş aýlanýar welin, onda-da oglanlar kepbe bolup duran oglanlaryň üstüne münýärdiler we guşa depdirmejek bolýardylar.*

**GUŞABERMEK** [guşa:vermek], *işl.* Guşap ugramak. *Senem öýli-işikli bolduň, indiden beýläk biliňi bekje guşabermeli bolarsyň.*

**GUŞAK** [guşok], *at.* **1**. Gaýyşdan, ýüpden ýa-da dokalan matadan bile baglamak, daňmak üçin ýörite edilen bag. *Täze görnüşlerde tikýän köýneklerini owadan guşaklar, kä nagyşly, käte nagyşsyz taýýarlaýarlar* ("Türkmenistan"). **2**. *ser.* **Gurşaw1**.

◊ **Guşak çözdürmek** däp-dessura görä, öýlenen ýigidiň biline guşagy berk baglap, ony gelne çözdürmek.

**GUŞAKÇY** [guşokçy], *at.* Toýlarda göreş tutulanda, pälwanlara guşak berýän, billerine guşak daňýan, göreşiň gidişine gözegçilik edýän adam. *Guşakçy olaryň birine guşagy uzatsa-da, onuň garşydaşyna guşak bermekden saklandy*.

**GUŞAKGAPDY** [guşokgapdy], *at.* Iki tarap bolup, towlanan guşak oklanyp, gapylyp oýnalýan oýun.

**GUŞAKLYK** [guşokluk] **I**, *at.* **1**. Biliň inçelen ýeri, biliň guşak daňylýan ýeri. *Gyzyň şar gara saçlary guşaklygyna düşüp durdy.***2**. Guşak eder ýaly gaýyş, ýüp, mata. *Guşaklyk ýaglyk*.

**GUŞAKLYK** [guşokluk] **II**, *at, geogr.* **1**. Ýer togalagynyň iki meridian aralygyndaky bölegi. **2**. Ýer togalagynyň howa şertlerine görä bölünen geografik zolagy. *Yssy guşaklyk. Orta guşaklyk.*

**GUŞALMAK** [guşolmok], *işl.* **1**. Bile daňylmak, baglanmak, oralmak. *Ykjam guşalypdyr bir gysym bili* (K. Gurbannepesow). **2**. *ser.* **Gurşalmak**.

**GUŞAMA** [guşomo], *iş ady.* Guşamak ýagdaýy.

**GUŞAMAK** [guşomok], *işl.* Biline guşak daňmak, oramak, baglamak.

**GUŞAMAKLYK** [guşomokluk], *iş ady.* Guşamak ýagdaýy.

**GUŞANMAK** [guşonmok], *işl.* Öz biliňe guşamak. *Okly hataryny biline guşandy* (A. Gowşudow).

**GUŞATMAK** [guşotmok], *işl.* Guşamak işini başga birine etdirmek. *Biliňe guşak guşatmak.*

**GUŞAÝYŞ** [guşoýuş], *iş ady.* Guşamak ýagdaýy.

**GUŞBURUN** [guşvurun], *at,senetç.* Agzy guşuň çüňküne meňzeş uzyn saply gysaç.

**GUŞÇULYK** [guşşuluk], *at.* Maldarçylygyň öý guşlaryny ösdürip ýetişdirmek bilen meşgul bolýan pudagy. *Ilatynyň esasy bölegi oba ýerlerinde ýaşaýan Türkmenistan üçin şahsy hojalyklarda, esasan, guşçulyk bilen meşgullanmak bähbitlidir* ("Türkmenistan").

**GUŞÇY** [guşşy], *at.* Guşçulykda işleýän işgär, guşçulykdan hünärli adam.

**GUŞDAMAK***, syp., gepl.d.* Nahary az iýýän, çüm-hörek. *Guşdamak adam.*

**GUŞDILI**, *at.* Ekinçilikde, ekin arasynda gögerýän inçe ýaprakly ot.

**GUŞDYRNAK**, *at.* El işlerine guşuň dyrnagyna meňzedilip salynýan nagyş we onuň ady. *Guşdyrnak nagşy*.

◊ **Guşdyrnak çaý** iri, ýokary hilli gök çaý, her digri guşuň dyrnagyna meňzeş çaý.

**GUŞGANAT** [guşğa:nat], *at.* Gyzlaryň tahýasyna we aýallaryň iç geýimine salynýan guşuň ganatyna meňzeş nagyş.

**GUŞGONMAZ** [guşğonmoz], *at.* Tutuşlygyna tiken bolup, peşşerip oturan ösümlik.

**GUŞGÖZI** [guşğözü], *at.* **1**. Pessejik boýly, şor ýerlerde topbak ösýän, guşuň gözüne meňzeş güllüje, çal reňkli birýyllyk ot. *Ol: – Goýun janawerler, gyrtyç bolsun, guşgözi bolsun, gaýtmyşy bolmaz – diýdi* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *tikinç.* Gyz tahýasynda "sekizkeşdäniň" ortasyndaky ak tegelek nokatjyk, şonuň ýaly-da halynyň esasy gyra nagyşlarynyň arasyna salynýan kiçijik dörtburç nagyş.

**GUŞ-GUMRY** [guş-ğumry], *at.* Guşlaryň we gumrularyň umumy ady. *Olaryň sansyz şahalarynda guş-gumrular adaty şadyýanlyk bilen bökjekleşýärdiler* (G. Kulyýew).

**GUŞGUN** [guşğun], *at.* Howut öňe süýşmez ýaly düýäniň guýrugynyň aşagyndan alnyp howuda berkidilýän ýüp.

◊ **Guşgunyňy syrdamak** bir işi ýerine ýetirmek üçin çynyňy etmek, eliňde baryny etmek, biliňi berk guşamak.

**GUŞGURSAK** [guşğursok]: **guşgursak bugdaý (däne)** güýz aýlarynda ekilip tomus paslynda ýetişýän irki ak bugdaý. *Şertnamalaýyn borçnamalara laýyklykda kärendeçiler we daýhanlar şol ýerlerden guşgursak dänäniň azyndan 130 müň tonnasyny almakçy bolýarlar* ("Türkmenistan").

**GUŞHANA** [guşha:na], *at.* Guş saklanýan jaý.

**GUŞIGDE** [guşiğde], *at.* **1**. *ser.* **Jigirdek**. **2**. Şol igde agajynyň owunjak miwesi.

**GUŞKELLE**, *syp.* Ýeňil kelle, kemakyl.

**GUŞLUK I**, *at.***1**. Günüň ýokarrak saýlanyp başlan wagtlary. *Gün guşluk galypdyr, hany gelsene, Jaňdan öň baraly, basym bolsana!* (A. Kekilow). *Guşluk çaýy. Guşluk nahary.* **2**. Gündogar bilen günorta aralyk tarap.

**GUŞLUK II**, *at.* Guşuň köp bolýan ýeri, köp guş ýygnanýan ýer.

**GUŞYZY** [guşy:zy], *at.* Haly gölüniň içine guşuň aýak yzyna meňzedilip salynýan nagyş.

**GUT I**, *at, kön. s.* Bagt. *It geldi – gut geldi* (Nakyl).

**GUT II**, *at.* Gulagyň içinde emele gelýän kir.

**GUTAMAT** [guta:mat]: **gutamatyň guramak** gaty horlanmak, çöpe dönmek, arryklamak.

**GUTAP** [guta:p], *at.* Ýuka ýaýylýan hamyryň içine et, bişirilip jazlanan ot salnyp saçda bişirilýän ýarym tegelek şekilli hörek, somsa.

**GUTARAŇKYRLAMAK** [gutoroňkurlomok], *işl.* Bir işi gutarmaga ýakynlamak, gutaryp barmak, gutarara gelmek. *Oýun gutaraňkyrlapdy.*

**GUTARDYŞ** [gutorduş], *syp.* Okuwçylaryň, talyplaryň okuw jaýlaryny tamamlamagy, okuwy gutarmagy. *Gutardyş synaglary*.

**GUTARMA** [gutormo], *iş ady.* Gutarmak ýagdaýy.

**GUTARMAK** [gutormok], *işl.* **1**. Zat galmazlyk, tükenmek. *Myhman çaýyny içip gutardy*. **2**. Bes etmek, tamamlamak, tükellemek. *Uzuk düýn dokmasynyň iň soňky gölüni gutaryp ýatypdy* (H. Derýaýew). **3**. Aladadan, işden we ş.m. halas etmek, dyndarmak. *Muny gapy-gapy elenip ýörmekden gutaralyň!* ("Görogly"). **4**. *gepl. d.* Jan bermek, aradan çykmak, ýogalmak, ölmek, aýrylmak, gaýtmak. **5**. *gepl. d.* Gaty horlanmak, gutumyň guramak. – *Saňa näme boldy, gutarypsyň-la?* **6**. *Gutarmak* işliginden soň *barmak*, *gelmek* ýaly kömekçi işlikler gelip, täze manyly düzümli işlikler ýasalýar: **Gutaryp barmak** gutarmaga ýakynlamak, bir işiň tamamlanmagyna, bir zadyň gutarmagyna, tükenmegine az galmak. **Gutaryp gelmek** tamamlamaga, gutarmaga, tüketmäge ýakynlamak, az galmak, gutaryp barmak, bolup barmak. *Edip oturan işimi gutaryp gelýän*. **Gutarara gelmek** gutarjak-gutarjak bolup durmak, iýip gutaraňkyrlamak.– *Öňümde käseläp goýan gawunyňy gutarara geläýipdirin.* **6**. Kömekçi işlik hyzmatynda ýanaşyp gelýän işligi bilen birlikde gymyldynyň bolup gutarandygyny görkezýär. **Ýazyp gutarmak** ýazmak işini tamamlamak.**Iýip gutarmak** soňuna çenli iýmek, hemmesini iýmek.

◊ **Gutarar ýerde gutarmazlyk** gutarmaly ýerinde, gutarmaly wagty bes etmezlik (edilýän gürrüň hakynda). *Ol suw küýzä ýel düşen ýaly bolup, başlan gürrüňini gutarar ýerde gutarmady*. **Işini gutaran!** dereksiz iş bilen meşgullanýan, bolgusyz hereket edýän, bolgusyzlyk edýän adama aýdylýar. – *Haý, işini gutaran. Şu boýuňa aşyk oýnamaly bolduňmy!?*

**GUTARMAKLYK** [gutormokluk], *iş ady.* Gutarmak ýagdaýy.

**GUTARMAZLYK** [gutormozluk], *iş ady.* **1**. Bir zat tükenmezlik; tamamlanmazlyk. *Çapyp goýan odunyň gutarmazlyk. Okuw gutarmazlyk.* **2**. Bir işi tamamlamazlyk, soňuna çenli edip bolmazlyk.

**GUTARNYKLY** [gutornukly], *syp.* Belli we soňky netijä gelnen, kesgitlenen, bütinleý belli bolan. *Gutarnykly karara gelindi*.

**GUTARTMAK** [gutortmok], *işl.* Gutarmak işini başga birine etdirmek. *Matany satdyryp gutartmak. Pagtany ýygdyryp gutartmak.*

**GUTARYBERMEK** [gutoruvermek], *işl.* Gutarmaga ýakynlamak, gutaraňkyrlamak. *Suw tutmak işimi gutaryberdim öýdýän.*

**GUTARYLMAK** [gutorulmok], *işl.* **1**. Boldy edilmek, tamamlanmak. *Jaý salnyp gutaryldy.* **2**. Tükedilmek. *Harytlar satylyp gutaryldy.*

**GUTARYŞ** [gutoruş], *iş ady.* Gutarmak ýagdaýy.

**GUTARYŞDYRMAK** [gutoruşdurmok], *işl.* Işleri tamamlamak, hemmesini gutarmak.

**GUTARYŞMAK** [gutoruşmok], *işl.* **1**. Gutarmaga kömekleşmek. *Men onuň jaýyny gutaryşdym.* **2**. Bir ýa-da birnäçe zat gutarara gelmek, gutarmaga ýakynlamak, gutaraňkyrlamak. *Çopanlaryň azyk-suwlugy gutaryşyp ugrapdy.*

**GUTLABERMEK** [gutla:vermek], *işl.* Bir ýanyndan gutlap ugramak.

**GUTLAG** [gutloğ], *at.* Işdäki, durmuşdaky üstünligi, şatlykly habary we ş.m. gutlap, mübärekläp aýdylýan sözler.

**GUTLAGNAMA** [gutloğna:ma], *at.* Gutlag haty, gutlag ýazylan ýazgy. *Ol gutlagnamalar dürli ýerlerden, dürli hünärdäki, dürli wezipedäki adamlardan gelipdir.*

**GUTLAMA** [gutlomo], *iş ady.* Gutlamak ýagdaýy.

**GUTLAMAK** [gutlomok], *işl.* Şatlykly, ýakymly bir zat bilen mübäreklemek, "gutly bolsun" diýmek.

**GUTLAMAKLYK** [gutlomokluk], *iş ady.* Gutlamak ýagdaýy.

**GUTLAŞMAK** [gutloşmok], *işl.* Iki ýa birnäçe bolup kimdir birini ýa-da biri-birini gutlamak (hal işligiň -*yp* goşulmasyny kabul eden *gutlamak* işliginden soň *durmak, oturmak* kömekçi işlikleri getirilip ulanylýar). *Adamlar öý eýesini toýy bilen gutlaşyp durdular*.

**GUTLATMAK** [gutlotmok], *işl.* Kimdir biriniň gutlamagyny gazanmak; başga birine "gutly bolsun" diýdirmek; gutlar ýaly mümkinçilik döretmek.

**GUTLAÝYŞ** [gutloýuş], *iş ady.* Gutlamak ýagdaýy.

**GUTLUK**, *at.* Täze geýim, aýakgap geýen çaga sylag hökmünde berilýän paý, zat.

**GUTLY**, *syp., kön.s.* **1**. Bagtly, döwletli. **2**. Oglana dakylýan at.

◊ **Gutly bolsun!** täze bir zady ýa dabarany gutlap, mübärekläp aýdylýan söz. *Toýuňyz gutly bolsun, adamlar!*

**GUTULGYSYZ** [gutulğusuz], *syp.* **1**. Gutulmak mümkinçiligi bolmadyk, çykalgasyz, alaçsyz, bialaç. *Onuň ýagdaýy indi gutulgysyzdy* (B. Kerbabaýew). **2**. Hökman, gümansyz, ikuçsyz. *Bütin dünýäde parahatçylygyň üstün çykmagy gutulgysyzdyr.*

**GUTULGYSYZLYK** [gutulğusuzluk], *at.* **1**. Gutulmak mümkinçiligi ýokluk, çykalgasyzlyk, alaçsyzlyk, bialaçlyk. **2**. Hökmanlyk, gümansyzlyk, ikuçsuzlyk.

**GUTULMAK** [gutulmok], *işl.* **1**. Kowalaýan adamdan, ýyrtyjy haýwandan we ş.m. gaçyp, eline düşmezlik, sypmak. *Gaçyp gutulmak*. **2**. Howpdan halas bolmak, howpdan sypmak, dynmak, azat bolmak. *Zalym*

*duşmanyň jebir-süteminden gutulmak.* **3**. Keselden açylmak, sagalmak, nähoşlukdan saplanmak. *On-on bäş gün geçensoň, Sona ýagşy gutuldy* (A. Alamyşow).

**GUTUM**: **gutumy guramak** duluklaryň çöküp, gaty horlanmak.

**GUTUN**: **gutunyň guramak** gaty suwsamak, bogazyň guramak, suwsap tebsiremek.

**GUTY**, *at.* **1**. Agaçdan, gaýyşdan, demirden we ş.m. ýasalan kiçijik gap, gapyrjajyk. *Täze önümçiligiň ýola goýulmagy "Balkanbalykda" galaýy gutularda önüm öndürilişini kadaly ýola goýmaga ýardam eder* ("Türkmenistan"). **2**. Keçä salynýan "byçgy" nagşynyň aralaryndaky gyzyl ýa-da ýaşyl reňkdäki gül.

**GUW**, *at.* Uzyn egri boýunly, ullakan suw guşy. *Halkyň yhlas bilen guran kölünde, Garkyldap erkana ak guwlar ýüzýär* (A. Kowusow).

**GUWANÇ** [guwonç], *at.***1**. Bir zada bolan begenç, şatlyk. **2**. Oglana dakylýan at.

**GUWANÇLY** [guwonuşly], *syp.* Şatlykly, begençli, guwanç bilen. *Ol adamlaryň ýüzüne guwançly bakdy.*

**GUWANDYRMAK** [guwonnurmok], *işl.* Gowy, peýdaly iş bilen adamlary begendirmek, şatlandyrmak.

**GUWANMA** [guwonmo], *iş ady.* Guwanmak ýagdaýy.

**GUWANMAK** [guwonmok], *işl.* Höwesiň artmak, begenmek, şatlanmak, ruhlanmak.

**GUWANMAKLYK** [guwonmokluk], *iş ady.* Guwanmak derejesi.

**GUWANYBERMEK** [guwonuvermek], *işl.* Guwanyp ugramak; guwanmagyny dowam etdirmek.

**GUWANYŞ** [guwonuş], *iş ady.* Guwanmak ýagdaýy.

**GUWANYŞMAK** [guwonuşmak], *işl.* Iki ýa birnäçe bolup guwanmak (hal işligiň *-yp* goşulmasyny kabul eden *guwanmak* işliginden soň *oturmak* kömekçi işligi getirilip ulanylýar). *Bizem şu günümize, agtyk-çowluklarymyza guwanyşyp otyrys.*

**GUWWAS** [guwwa:s], *at, k. d.* **1**. Suwuň düýbüne çümüji, suwa giriji. – *Guwwaslara aýdyň, sandygy çykarsynlar – diýdi* ("Zöhre – Tahyr").

**GUÝDURMAK** [guýdurmok], *işl.* Guýmak işini birine etdirmek.

**GUÝGUÇ** [guýğuç], *at.* Agzy darajyk gaba suwuklyk guýmak üçin düýbi çüri, agzy giň enjam.

**GUÝLAMAK** [guýlomok], *at.* Gowşak kelleli kelemleri goparyp, daşky uly ýapraklaryny aýry bir ýere jebis oturtmak.

**GUÝMA** [guýmo] **I**, **1**. *iş ady.* Guýmak işi, ýagdaýy. **2**. Guýlup ýasalýan önüm. *Guýma kündük.*

**GUÝMA** [guýmo] **II**, *at.* Meýdan ýerinde ýagyn suwunyň köp ýygnanýan ýeri, çöketlik ýer, kakyň uly görnüşi. *Guýmada çüýşe ýaly suw bardy.*

◊ **GUÝMA GURSAK** [guýmo ğursok], *syp.* Tebigy akylly, doga akylly, düşbi. *Guýma gursak bolmasa, dürtme gursak neýlesin* (Nakyl).

**GUÝMAK** [guýmok] **I**, *işl.* **1**. Suwuklygy, dänäni we ş.m. bir gaba ýa-da bir gapdan başga bir gaba dökmek, gapgarmak, agdarmak. **2**. Metal ergininden ýa-da laýdan zat ýasamak, galypa salyp belli bir şekil bermek, şaý-sep ýasamak. **3**. Bir zada ikinji bir zady garmak, goşmak. **4**. *göç.m.* Güýçli ýagmak, dynman ýagyp durmak (ygal hakynda). *Ýagyş şol bir guýup durdy, guýupdurdy.* **5**. *göç.m.* Ornaşdyrmak.

**GUÝMAK** [guýmok] **II**, *at.* Gowrulan una azajyk ýag, suw garylyp bişirilýän nahar. *Ýagly guýmak.*

**GUÝMAKLYK** [guýmokluk], *iş ady.* Guýmak ýagdaýy.

**GUÝRUK**, *at.* **1**. Haýwanyň oňurga ujasynyň uzalyp gidýän syrtky inçe bölegi. *Düzje ýola düşen mes taýhar guýrugyny bulaýlap dikgirdedi.* **2**. Goýnuň türre tarapyndaky ýumşak ýag bölegi. *Guýrugy elek ýaly tokly.* **3**. Guş, balyk ýaly jandarlaryň yzky, syrtky bölegi, yz tarapy. **4**. *göç.m.* Bir toparyň ýa-da bir adamyň tarapdary, onuň yzyna eýeriji (ýaňsy äheňinde).

◊ **Guýrugyny ýamzyna gysmak** müýnürgemek, çekinmek, gorkmak. **Guýruk bulamak** birine ýaranjaňlyk etmek, ýaramsaklyk etmek; iki baka sypjyklamak. **Guýruk gapdyrmak** möjek bilen urşan ite goýnuň guýrugyny iýdirmek. *Möjekler bilen gemrişip, munça iş bitiren itlere bir guýruk gapdyraýyn* (A. Gowşudow). **Guýruk tutdurmazlyk** müň bahana tapyp, sözünde durmazlyk, sypjyklyk etmeklik.

**GUÝRUKLY**, *syp.* Guýrugy bar, guýruksyz däl. *Uzyn guýrukly haýwanlar.*

◊ **Guýrukly ýyldyz** guýruk ýaly tozga görnüşli yşyk zolagy bolan ýyldyz. *Käte asmanda guýrukly ýyldyz görünýär.*

**GUÝRUKMAN** [guýrukmon], *syp.* Ullakan guýrukly, guýrugy tegelenip duran. *Guýrukman goýun.*

**GUÝRUKSYZ** [guýruksuz], *syp.***1**. Guýrugy kesilip aýrylan, guýrugy ýok, guýrukly däl. *Söz manysy aňmaz adam, Bir guýruksyz ite meňzär* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Wadasynda durmaýan, sapalak atyp, lebizsizlik edýän.

**GUÝRUKSYZLYK** [guýruksuzluk], *at.* **1**. Guýrugy ýokluk, guýrukly dällik. **2**. *göç.m.* Wadada wepasyzlyk, lebizsizlik, guýruk tutdurmazlyk. *Guýruksyzlygyňam çeni-çaky bar.*

**GUÝRUKTUTDY**, *at.* Çaga oýnunyň ady (bir topar çaga – döwçüler "çopanyň" yzynda eşikleriniň

bir ýerinden tutup düzülýärler, eşekçi – "möjek" bolsa olardan birini tutjak bolýar). *Çagalar guýruktutdy oýnaýarlar.*

◊ **Guýruktutdy oýnap ýörmek** biri-biriň yzyna düşüp, tutaklaşyp ýörmek, biri-biriňi sypdyrman gezmek.

**GUÝUBERMEK** [guýuvermek], *işl.* Guýmaga başlamak, guýmaga girişmek; guýmagy dowam etdirmek. *Çorbany jamlara susak bilen guýuber*.

**GUÝUJY**, *at.* Ergin metaly galyplara guýýan, metal guýmak boýunça hünärmen. *Ol guýujy bolup işleýär*.

**GUÝULMAK** [guýulmok], *işl.* **1**. Bir gapdan başga bir gaba dökülmek, başga bir gaba salynmak. **2**. Metal ergininden zat ýasalmak. *Bürünçden heýkel guýulmak*.

**GUÝUM**, *at.* Käbir zatlaryň belli bir mukdardaky ölçegi. *Bir guýum däri. Iki guýum seçme.*

**GUÝUNMAK** [guýunmok], *işl.* Özüň üçin guýmak, özüňe guýmak. *Bir bulgur süýt guýundym. Ol käsesine çaý guýundy.*

**GUÝUŞDYRMAK** [guýuşdurmok], *işl.* Yzly-yzyna gaplara ýa-da galyplara we ş.m. zatlara guýmak, guýup çykmak, guýup taýýar edip goýmak.

**GUÝUŞMAK** [guýuşmok], *işl.* **1**. Guýmaga kömekleşmek. **2**. Guýmak işini biri bilen bilelikde etmek (hal işligiň *-up* goşulmasyny kabul eden *guýuşmak* işliginden soň *ýörmek* kömekçi işligi ulanylýar). *Oglanlar gazanlara suw guýşup ýördüler.*

**GUÝY**, *at.* **1**. Suw almak maksady bilen tegelek edilip gazylan çuň çukur. **2**. Dürli tehniki bähbitler üçin burawlanyp gazylan çuň çukur. *Şu guýy gije-gündizde näçe nebit berýär?* (B. Kerbabaýew).

◊ **Guýa gaçan ýaly bolmak** ýitirim bolmak, dereksiz gürüm-jürüm bolmak.

**GUZAÝ** [guzoý], *at.* Dagyň, depäniň we ş.m. Gün düşmeýän demirgazyk tarapy, kölege tarapy. *Adamlar bolsa galanyň güneýinde ýa-da guzaýynda üýşüşip, gürrüňe meşguldylar* (A. Gowşudow).

**GUZLAGYR** [guzloğur], *syp.* Köp guzlaýan, gysyr galman guzlaýan. *Guzlagyr goýun. Guzlagyr towuk.*

**GUZLAGYRLYK** [guzloğurluk], *at.* Guzlagyr ýagdaýynda bolmaklyk. *Soňky guzy alnyşda dowarlaryň guzlagyrlygynyň artandygy mälim boldy*.

**GUZLAMA** [guzlomo], *iş ady.* Guzlamak ýagdaýy.

**GUZLAMAK** [guzlomok], *işl.* **1**. Guzusy, owlagy, gölesi bolmak (käbir haýwanlar hakynda). *Eje, sygryň guzladymy? Höwri köp bolsun!* **2**. Ýumurtgalamak. *Towuklaryň guzlan ýumurtgalaryny ýygnamak.*

**GUZLAMAKLYK** [guzlomokluk], *iş ady.* Guzlamak ýagdaýy.

**GUZLAŞMAK** [guzloşmok], *işl.* Köpçülikleýin guzlap ugramak. *Alabahardan goýunlar, geçiler guzlaşyp başlady.*

**GUZLATMAK** [guzlotmok], *işl.* Guzlamaga ýagdaý, şert, mümkinçilik döretmek.

**GUZLAÝYŞ** [guzloýuş], *iş ady.* Guzlamak ýagdaýy.

**GUZY**, *at.***1**. Goýnuň alty aýa çenli döwürdäki kiçijik çagasy. *Guzular bu mahal doýuşup ýatypdylar.* **2**. *göç.m.* Ene-atalaryň "balam, oglum" diýen ýaly manylarda, çagalara ýüzlenip aýdýan sözi.

◊ **Guzy diş** gaty garry adamyň kentlewüginiň etiniň sürülmegi netijesinde ýüze çykýan agymtyl ösüntgi. *Dişleriniň käbiri indi öz-özünden owranyp aýrylyp, onuň ornunda guzy dişi peýda bolupdyr* (A. Gowşudow).

**GÜBERÇEK** [güvörçök], *syp.* Üsti güberilip duran, tümmerip duran, pökgi.

**GÜBERÇEKLEME** [güvörçöklömö], *iş ady.* Güberçeklemek ýagdaýy.

**GÜBERÇEKLEMEK** [güvörçöklömök], *işl.* **1**. Güberçek görnüşinde bolmak, pökgermek, gabarmak, pakgarmak. **2**. *göç.m.* Mese-mälim bolmak.

**GÜBERÇEKLEMEKLIK** [güvörçöklömöklük], *iş ady.* Güberçeklemek ýagdaýy.

**GÜBERÇEKLEÝIŞ** [güvörçöklöýüş], *iş ady.* Güberçeklemek işi.

**GÜBERÇEKLIK** [güvörçöklük], *at.* Güberçek ýagdaýda bolmaklyk, güberçek halda bolmaklyk.

**GÜBERILMEK** [güvörülmök], *işl.*, *ser.* **Gübermek**. *Amyderýanyň boýunda edil gaýa ýaly güberilip duran ullakan bir gala bar* (N. Jumaýew). *Ýaz ýagşy ýagyp, Gün çykansoň, kömelekler güberilip çykdylar.*

**GÜBERIŞ** [güvörüş], *iş ady.* Gübermek ýagdaýy.

**GÜBERIŞMEK** [güvörüşmök], *işl.* **1**. Onda-munda güberip, görnüşip durmak. *Kömelekler güberişip çykypdyr*. **2**. *göç.m.* Hondanbärsi bolşup, gabarylyşyp, gopbamsyraşyp ýöremek.

**GÜBERME** [güvörmö], *iş ady.* Gübermek derejesi.

**GÜBERMEK** [güvörmök], *işl.* **1**. Içine ýel düşen ýaly çişmek, ýokary galyp durmak, gabarmak, pökgermek. **2**. *göç.m.* Hondanbärsi bolmak, epeýsiremek, gopbamsyramak.

**GÜBERMEKLIK** [güvörmöklük], *iş ady.* Gübermek ýagdaýy.

**GÜBERTMEK** [güvörtmök], *işl.* Içine ýel düşen ýaly gabartmak, pökgertmek, çişirmek. *Dursunyň köýnegini güberdip duran göwsi Muhadyň ýüregini eretdi* (H. Ysmaýylow).

**GÜBÜRDEME** [güvürdömö], *iş ady.* Gübürdemek ýagdaýy.

**GÜBÜRDEMEK** [güvürdömök], *işl.* Ýyldyrym çakanda, ot tutaşyp ýananda we ş.m. gübürdili ses çykmak, gübür-gübür etmek. *Daňdana golaý gök gübürdäp, ýyldyrym çakdy* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Älem içre at gezer"). *Ojar ody gübürdäp ýanýardy.*

**GÜBÜRDEMEKLIK** [güvürdömöklük], *iş ady.* Gübürdemek ýagdaýy.

**GÜBÜRDEŞMEK** [güvürdöşmök], *işl.* Gübür-gübür edişmek.

**GÜBÜRDETMEK** [güvürdötmök], *işl.* Gübür-gübür etdirmek, gübürdili ses çykartmak. *Gyzlar-gelinler onuň göwnüni göterjek bolşup, gübürdedip gopuz çalşyp, atbaşça öýkünipdirler* (N. Pomma).

**GÜBÜRDEWÜK** [güvürdöwük], *işl.* Birsyhly gübürdäp eşidilýän, gübürdäp seslenýän, gübürdäp duran.

**GÜBÜRDEÝIŞ** [güvürdöýüş], *iş ady.* Gübürdemek ýagdaýy.

**GÜBÜRDI** [güvürdü], *at.* Gök gürlände, peçde ot ýananda we ş.m. çykýan ses.

**GÜBÜRDIŇ-GÜBÜRDIŇ** [güvürdüň-ňüvürdüň], *at.* Haly dokalyp, darak urlanda çykýan ses. *Urulýan daraklaryň gübürdiň-gübürdiň sesi eşidilýärdi.*

**GÜBÜR-GÜBÜR** [güvür-ğüvür], *at.* Gök gürlände, ot tutaşyp ýananda we ş.m. çykýan ses.

**GÜJEŇ** [güjöň], *at*, *ser*. **Göjek**.

**GÜJEŇ-GÜJEŇ** [güjöň-ňüjöň]: **güjeň-güjeň etmek** *ser.* **Güjeňlemek 2**.

**GÜJEŇLEME** [güjöňlömö], *iş ady.* Güjeňlemek ýagdaýy, täri.

**GÜJEŇLEMEK** [güjöňlömök], *işl.* **1**. Ýaý bilen göjek atmak. **2**. Bir zady buýsanjaňlyk bilen birine görkezip, bermän gyzykdyrmak, mazamlamak. *Agaçlar täze geýnen gök lybaslaryny güjeňleýärdiler* (A. Gowşudow). *Altyn dişli kişi gün-günden azýar, Ili hem azdyrýar. Güjeňläp dişin, Bir ajap maşgalaň başyn aýlaýar. Sen ýene diýýärsiň: "Meniň nä işim!"* (K.Gurbannepesow).

◊ **Gözi bilen güjeňlemek** gözi bilen urup ýykmak, göz degrip, galmaz etmek. *"Pylanynyň gözi degegendir, edil gözi bilen güjeňläýýändir" diýerdiler.*

**GÜJEŇLEMEKLIK** [güjöňlömöklük], *iş ady.* Güjeňlemek ýagdaýy.

**GÜJEŇLENMEK** [güjöňlönmök], *işl.* **1**. Ýaý bilen göjek atylmak. **2**. Bir zat buýsanjaňlyk bilen birine görkezilip, berilmän gyzykdyrylmak, mazamlanmak.

**GÜJEŇLEŞMEK** [güjöňlöşmök], *işl.* **1**. Biri-biriňi güjeňlemek, biri-biriňe ýaý bilen göjek atmak. **2**. Gözüň gitsin diýýän ýaly, özlerini mazamlaşmak. *"Meni al-da meni al" diýýän ýaly, özüni güjeňleşip duran almalar uzakdan görünýärler.*

**GÜJEŇLETMEK** [güjöňlötmök], *işl.* Güjeňlemäge mejbur etmek, güjeňlemäge ýol bermek (**güjeňlemek** sözüniň **1**, **2** manylaryndan ýasalýar).

**GÜJEŇLEÝIŞ** [güjöňlöýüş], *iş ady.* Güjeňlemek ýagdaýy.

**GÜJÜK**, *at.* **1**. Itiň we ş.m. haýwanyň ýaşajyk çagasy. *Bir tazynyň ganjyk güjügini getirip, onuň öňüne taşlady* ("Görogly"). **2**. Ite deňelip aýdylýan gödek söz. **3**. Oglana dakylýan at.

**GÜJÜKLEME** [güjüklömö], *iş ady.* Güjüklemek ýagdaýy.

**GÜJÜKLEMEK** [güjüklömök], *işl.* **1**. Itiň we ş.m. haýwanyň çagasy bolmak. *Güjüklän ganjyk güjüklerini gabanýardy*. **2**. Ýaranyň töwereginde kiçijik ýara örgünleri emele gelmek; azyp ugramak. *Çyban güjükläpdir.* **3**. *gepl., d.* Namartlamak, bigaýratlamak.

**GÜJÜKLEMEKLIK** [güjüklömöklük], *iş ady.* Güjüklemek ýagdaýy.

**GÜJÜKLEÝIŞ** [güjüklöýüş], *iş ady.* Güjüklemek ýagdaýy, işi.

**GÜJÜKLIK** [güjüklük], *at.* Güjük ýagdaýynda bolmaklyk, güjük ýaşynda bolmaklyk. *Ol güjükliginden şu öýde ulaldy.*

◊ **Güjükligine dalanmak** ýaşlygyndan gözüniň ody alynmak, tejribesizkä agzy uçukladylmak.

**GÜJÜM**, *at.* **1**. Ownuk şahaly, gür ýaprakly, miwesiz, köpýyllyk ullakan agaç. **2**. Oglana dakylýan at.

**GÜJÜRDEME** [güjürdömö], *iş ady.* Güjürdemek ýagdaýy.

**GÜJÜRDEMEK** [güjürdömök], *işl.* **1**. Güjürdili seslenmek, güjür-güjür etmek. **2**. Güjür-güjür edip geplemek, wüjürdemek (çagajygyň gepleýşi hakynda).

**GÜJÜRDEMEKLIK** [güjürdömöklük], *iş ady.* Güjürdemek ýagdaýy.

**GÜJÜRDEŞMEK** [güjürdöşmök], *işl.* **1**. Güjür-güjür edip gürleşmek; güjürdeşmek (çaga hakynda). *Güjürdeşip, çagalaryň hemmesi birden gepläp başlady.*

**GÜJÜRDEÝIŞ** [güjürdöýüş], *iş ady.* Güjürdemek hereketi.

**GÜJÜRDI** [güjürdü], *at.* Çagajygyň gepleýşi.

**GÜJÜR-GÜJÜR** [güjür-ğüjür]: **güjür-güjür etmek** ser. **Güjürdemek**.

**GÜŽ-GÜŽ**: **güž-güž etmek** *ser.* **Güžžüldemek**.

**GÜŽŽÜLDEME** [güžžüllömö], *iş ady.* Güžžüldemek derejesi, güžžüldäp biliş ýagdaýy.

**GÜŽŽÜLDEMEK** [güžžüllömök], *işl.* Güžžüldili seslenmek, güž-güž edip ses çykmak.

**GUŽŽÜLDEMEKLIK** [güžžüllömöklük], iş ady, Güžžüldemek ýagdaýy.

**GÜŽŽÜLDETMEK** [güžžüllötmök], *işl.* Güžžüldili ses çykarmak. *Aýna ýanlygy ýygy-ýygydan güžžüldedýär* (B. Kerbabaýew).

**GÜŽŽÜLDEÝIŞ** [güžžüllöýüş], *iş ady.* Güžžüldemek ýagdaýy.

**GÜŽŽÜLDI** [güžžüllü], *at.* Süýt saglanda, ýanlyk ýaýylanda, mör-möjekler köp bolup uçanda

çykýan ses. *Diňe sygyr ýatak tarapdan sagylýan süýdüň ukyňy getiriji birmeňzeş güžžüldisi eşidilýärdi* (G. Gurbansähedow).

**GÜŽŽÜL-GÜŽŽÜL**, *at.* Süýt saglanda, ýanlyk ýaýylanda yzygiderli güžžüldäp çykýan ses.

**GÜŽLEMEK** [güžlömök], *işl.*, *ser.* **Güžžüldemek**.

**GÜLI**, *at.* **1**. Ösümligiň gültäji we gül ýaprajyklary görnüşine eýe bolan bölegi. *Dünýäň her gülünde men seni görýän. Şonuň üçin bu dünýeden gitme ýok* (G. Ezizow). *Ýandagyň güli. Gawunyň güli*. **2**. Şolar ýaly bölege eýe bolan ösümligiň köpeliş agzasy. **3**. Bezeg üçin ekilýän gyrymsy agaç we şol ösümligiň dürli reňkdäki ysly hasyly. **4**. Dürli ösümlikleriň gülüne meňzedilip mata, ýaglyga, keçäniň ýüzüne salynýan nagyş. **5**. Gyza dakylýan at.

◊ **Gül açmak** arzuwyň hasyl bolmak, maksat-myradyňa ýetmek. **Gülden çykmak** güllemek möhleti dolup, gülüni dökmek, gülläp bolup, hasyla durup ugramak. *Bakja ekinleriniň gülden çykanyna ep-esli wagt boldy*. **Gül meňzi saralmak (solmak)** gaýgy, gamdan horlanmak, saralmak. *Niçesiniň gül meňzini soldurdy, Bir aýralyk, bir ýoksullyk, bir ölüm* (Garajaoglan). **Gül ömrüňi kül etmek** biri üçin köp jepa çekmek, köp ýyllap bir zadyň aladasynda bolmak, horlanmak. **Gül pürkülen ýaly** örän arassa we bezelen, rejeli hem-de owadan. **Gül suwy** bugdaýa, jöwene berilýän iň soňky suwuň öň ýanyndaky suw, ekin güle duranda berilýän suw. **Gülüni çirtmek** bir zadyň iň gowusyndan peýdalanmak, iň gowusyny saýlamak. **Gül ýaly** örän gowy, gaty gowy, ajaýyp.**Gül ýüzli** owadan, gelşikli, görmegeý ýüzli. *Gül ýüzli zenan. Gel, golaýma, öpeýin gül ýüzüňden* (I. Nuryýew).

**GÜL II**, *at.* **1**. Adamyň gözüne düşýän akja nokat. *Birje aýby çep gözüniň, Künji ýaljak güli bardy* (K. Gurbannepesow). **2**. Bagananyň buýrasy. **3**. Tamdyra çörek ýapylanda hamyryň gowy almanlygy, çişmänligi sebäpli çöregiň ýüzünde emele gelýän tegelejik-tegelejik ýanyk.

**GÜLABY** [güla:vy], *at.* Daşy torly we sary reňkli etlek gawunyň bir görnüşi.

**GÜLALA-GÜLLÜK** [güla:la-ğüllük], *syp.* Gowulyk, oňatlyk, parahatlyk, asudalyk, ýerbe-ýerlik (durmuşyň ähli taraplary, adamyň ýagdaýy we ş.m. hakynda).

**GÜLAP** [güla:p], *at, kön.s.* Gül suwy, gülüň suwundan edilýän atyr. *Bir zamandan soň kenizler Mahymyň ýüzüne gülap sepip, ony huşuna getirdiler* ("Zöhre – Tahyr"). *Güller ýaly görenim, gülap suwun berenim, Eziz balam Gülälek, Sensiň meniň jerenim* (Hüwdi).

**GÜLBENT** [gülvent], *at.* Gylyjyň, pyçagyň sap tarapynyň öňüne berkidilýän ýasy demir ýa-da bürünç, tylla ýaglaw.

**GÜLBER** [gülver], *at.* Paty-puty, aňry-bäri, goş-golam. *Sen gülberiňi al-da, öýe garşy ugra.*

◊ **Gülberini arkasyna daňmak** paty-putusyny berip, çykaryp kowmak.

**GÜLÇ**, *s. ş. aňl. söz.* Adam ýere gaty ýykylanda ýa-da küýze, golça we ş.m. zatlar ýere batly gaçanynda çykýan ses.

◊ **Gülç etmek** gülçüldemek. *Ol barýan adam ýaňyja şu ýerde gülç edip ýykylypdy.*

**GÜL-ÇEÇEK**, *at.* Her dürli gülleriň jemi.

**GÜLÇI** [gülçü], *at.* **1**. Gül ösdürip ýetişdirýän adam, gülçülikden hünärmen. **2**. Gül satýan adam.

**GÜLÇÜLDEME** [gülçüllömö], *iş ady.* Gülçüldemek ýagdaýy.

**GÜLÇÜLDEMEK** [gülçüllömök], *işl.* Ýere gaty ýykylmak, gütläp ýere gaçmak, gülç edip seslenmek. *Ol gülçüldäp ýere düşdi.*

**GÜLÇÜLDEMEKLIK** [gülçüllömöklük], *iş ady.* Gülçüldemek ýagdaýy.

**GÜLÇÜLDETMEK** [gülçüllötmök], *işl.* Ýere batly bulap urmak, ýykmak, gütledip urmak, gülçüldili seslendirmek. *Ol küýzejigi gülçüldedip, Tarhanyň öňünde goýdy* (G. Kulyýew).

**GÜLÇÜLDEÝIŞ** [gülçüllöýüş], *iş ady.* Gülçüldemek ýagdaýy.

**GÜLÇÜLDI** [gülçüllü], *at.* Adam ýere gaty ýykylanda ýa-da küýze, golça we ş.m. zatlar ýere batly gaçanynda çykýan ses. *Gütläp gaçan zadyň gülçüldisi eşidildi.*

**GÜLÇÜLIK** [gülçülük], *at.* Bagçylygyň bir pudagy hökmünde bezeg ösümlikleri ösdürip ýetişdirmeklik. *Men indi birnäçe ýyl bäri gülçülik bilen meşgullanýaryn* ("Mugallymlar gazeti").

**GÜLDAN** [gülla:n], *at.* Gül ekilen küýze, gül goýulýan gap.

**GÜLDÜRMEK** [güllürmök], *işl.* **1**. Gülmäge mejbur etmek, güler ýaly etmek. **2**. *göç. m.* Begendirmek. *Beýtsek, biz öz duşmanymyzy güldüreris* (B. Seýtäkow).

**GÜLE** [gülö], *at.* **1**. *dokm.* Argaç geçirmek üçin erişleriň arasyny açmak hyzmatyny ýerine ýetirýän gural. **2**. Käriziň iki guýusynyň arasyndaky suw akýan ýap gömülmezlik üçin onuň iki gyrasyna, ýokarsyna örülýän agaç.

**GÜLEBAGY** [gülöva:ğy], *at,dokm.* Ujy gülä baglanylýan, aýagyň bilen basmak üçin gozagyň içine sallanyp duran üzeňňi görnüşli halka ýüp.

**GÜLEBENT** [gülövent], *at.* Daşy dolanyp daňlan goş, daşy daňylgy ýük, goş-golam. *Keçelerdir halylary gülebent edip daňyşdyrdylar*.

◊ **Gülebent ýaly** örän daýaw, äpet göwreli (aýallara degişli ). *Gülebent ýaly aýal.*

**GÜLEGEN** [gülöğön], *syp.* Köp gülýän, gülek, gülmegi halaýan. *Gülegen adam.*

**GÜLEGENLIK** [gülöğönlük], *at.* Sähel zada gülüp durmaklyk, gülegen häsiýetlilik, güleklik.

**GÜLEK** [gülök], *syp.*, *ser.* **Gülegen**. *Gülek çaga*.

**GÜLEK-GÜLEK** [gülök-gülök], *syp.* Gundagdaky çagany güldürmek üçin oňa ýüzlenilip aýdylýan söz.

**GÜLEKLIK** [gülöklük], *at,ser.* **Gülegenlik**.

**GÜLES-ÝALAS: güles-ýalas etmek** *ser.* **Gülüm-ýalym etmek**. *Ol güles-ýalas edip, maňa ýüzlendi*.

**GÜLÄLEK** [gülä:lek], *at.* **1**. Ýazyna meýdanda gögerýän gyralary kertik-kertik ýyrtyk ýaprakly, tüýjümek baldakly, owadan gyzyl gülli otjumak ösümlik. **2**. Gyza dakylýan at.

**GÜL-GUNÇA** [gül-ğunço], *at.* Gül we doly açylmadyk gül naýçasy. *Bilbil perini gyrgan, gül-gunça dahan sen-sen* (Halk aýdymyndan).

**GÜLGÜN** [gülğün], *syp.* Öwşün atýan gyzyl reňk, narynç reňk, gülgüne. *Gülgündir dodagy, hünji dişleri, Şuňkar ala gözler al bile oýnar* (Garajaoglan).

**GÜLGÜNE** [gülğünö], *syp.*, *ser.* **Gülgün**. *Gülgüne geýgin ýarym, gara ýaraşmaz* ("Saýatly – Hemra").

**GÜLGÜZAR** [gülğüza:r], *at, ser.* **Gülzar**. *Ter açylan täze bagym gülşeni, Gülgüzarym, lälezarym amanmy?* (Zelili).

**GÜLHANA** [gülha:na], *at.* Gül ekilýän we ösdürilip ýetişdirilýän jaý, gül hojalygynyň jaýy.

**GÜLKEJRE** [gülkejire], *at.* Süýri ýaprakly, çopantelpege meňzeş sary gülli, ak çigitli köpýyllyk otjumak ösümlik.

**GÜLKI** [gülkü], *at.* **1**. Bogazda döräp, göwün hoşlugyny, keýpiköklügi, şatlygy hem-de birini ýaňsa almagy, içiniň garalygyndan biriniň betbagtlygyna, şowsuzlyga uçramagyna begenip gülmegi we başga duýgulary aňladýan gysgadan özboluşly sesler. **2**. *ser.* **Gülkünç 2**.

◊ **Gülki astyna almak** kimdir birine gülüp, ony masgaralamak. **Gülki bolmak** *ser*. **Ile gülki bolmak**. **Gülkiň gelmek** *ser*. **Gülkiň tutmak** gülesiň gelmek. **Ile gülki bolmak** üstünden gülnüp, il masgarasy bolmak. **Üstünden gülmek** masgaralajak bolup, kimdir birine gülmek.

**GÜLKÜLI** [gülkülü], *syp.* **1**. Gülki döredýän, gülkiňi tutduryan. *Bir topar gülküli sözler aýdyp hezil berdi* (N. Pomma). **2**. Gülki gurşap alan, şagalaňly, begençli. *Gülküli, şatlykly günler geçip dur* (R. Gelenow).

**GÜLKÜLIK** [gülkülük], *at,ser.* **Gülkünçlik**.

**GÜLKÜNÇ**, *syp.* **1**. Gülki döredýän, güldürýän, gülküli. *Gülkünç oýun*. **2**. Masgaraçylyk, gülki. *Gülkünç ýagdaýda galmak. Ýapa degmeýän zada ynanmagyň özi bir gülkünç.*

**GÜLKINÇLIK** [gülkünüşlük], *at.* Ile gülki, masgara bolmak.

**GÜLLE** [güllö], *at.* Peşeňdäki seçmäniň üstünden goýulýan togalak ýa süýrüräk gurşun bölegi.

**GÜLLEME** [güllömö], *iş ady.* Güllemek ýagdaýy.

**GÜLLEMEK** [güllömök], *işl.* **1**. Gül açmak, gül çykarmak, gül getirmek. **2**. Keçe edilende dürli gülleri basmak, nagyş salmak. *Keçe güllemek.* **3**. *göç. m.* Ýokary ösüş derejesinde bolmak, pajarlap ösmek. **4**. *göç. m.* Içip oturan çaýyň keýpini görmek, hezil edip çaý içmek. *Gök çaýy gülläp otyrdylar.* **5**. Bişirilýän çöregiň ýüzüniň gara-gara ýanyk bolmagy. *Şu günki bişiren çöregimiz gülläpdir.* **6**. Hal işligiň – *p* goşulmasyny kabul eden *güllemek* işliginden soň *gelmek* kömekçi işligi gelip, täze manyly düzümli işlik ýasalýar: **Gülläp gelmek** gülläp ugramak. *Şol gapdaldan asuda öwüsýän salkyn şemal ýaňy gülläp gelýän gowaçalary ýadawsyz sypalaýardy* (Ö. Abdyllaýew). **Gülläp ösmek** hemmetaraplaýyn gowulaşmak, ajaýyp keşbe gelmek; güýçli ösmek. *Biziň gülläp ösýän ajaýyp ýurdumyz bar.*

**GÜLLEMEKLIK** [güllömöklük], *iş ady.* Güllemek ýagdaýy.

**GÜLLEŞMEK** [güllöşmök], *işl.* **1**. Güllemäge kömekleşmek. *Goňşymyza keçe gülleşdim.* **2**. Köpçülikleýin güllemek. *Gowaçalar gülleşip ugrapdyr*.

**GÜLLETDIRMEK** [güllötdürmök], *işl.* Gülletmek işini birine tabşyrmak.

**GÜLLETMEK** [güllötmök], *işl.* **1**. Gül getirtmek, gül açdyrmak. *Ir ösen ýyly şemal baglary gülletdi.* **2**. Keçä gül basdyrmak, nagyş etdirmek. *Keçe gülletmek.* **3**. *göç.m.* Bag-bakjalyga, gülzarlyga öwürmek, pajarlap ösdürmek. **4**. *göç. m.* Çörek bişirilende belli bir sebäbe görä çöregiň ýüzünde goňrumtyl tegmil, tegelejik ýanyk emele gelmegine ýol bermek.

**GÜLLÄBERMEK** [güllävermek], isl. Gülläp başlamak; güllemäge girişmek. *Senem indi şeýt-de keçäni gülläber*.

**GÜLLEÝIŞ** [güllöýüş], *iş ady.* Güllemek ýagdaýy.

**GÜLLI** [güllü], *syp.* **1**. Güli bar, gül bilen örtülen, güli köp. *Gülli meýdan.* **2**. Gül basylan, gül nagşy salnan. *Aýagynda gülli jorap, Bir görmesem, halym harap* (Halk aýdymyndan). **3**. Gül açýan. *Gülli ösümlikler.*

**GÜLLÜK**, *syp.* Köp gül gögerip, gül açyp, gülläp oturan ýer, gülzarlyk. *Olar güllük ýerde düşlediler*.

**GÜLME** [gülmö], *iş ady.* Gülmek ýagdaýy.

**GÜLMEK** [gülmök], *işl.* **1**. Gülküli ses. *Çagajyk hezil edip güldi.* **2**. Birini ýaňsa almak, masgaralamak üçin gülki astyna almak. *Gülme goňşyňa, geler başyňa* (Nakyl).

◊ **Güler ýüzli** hoşgylaw, polady ýumşak, ýüzi gülüp duran, mylakatly. **Gülüp bakmak 1**) mähirli seretmek; **2**) mähirli garşy almak, ýüz bermek. **Gülüp kese ýykylmak** bir zada hezil edip yzygiderli, dowamly gülmek, gülüp-gülüp halys bolmak. *Onuň edýän oýunlaryny görüp, tomaşaçylar gülüp kese ýykyldylar.*

**GÜLMEKLIK** [gülmöklük], *iş ady.* Gülmek ýagdaýy.

**GÜLMÄN-YŞMAN** [gülmä:n-yşma:n], *hal.* Hiç gülmän, ýylgyrman, oýun edýänini, degişýänini bildirmän. *Ol gülmän-yşman, gülşükli sahna görkezdi.*

**GÜLMYH** [gülmy:h], *at.* **1**. Eýeriň gaşyna, gapynyň ýüzüne gaýyş çekilende kakylýan owadan kelleli bezeg, haşam çüýi. **2**. Teble, ujy halkalyja demir gazyk. *Gyraty gülmyhda bent etdi* ("Görogly"). **3**. Arabanyň agaç tigriniň daşyna demir gurşaw hökmünde kakylýan uly kelleli myhyň bir görnüşi. *Gülmyhly araba tigri.*

**GÜL-PÜRÇÜK**, *syp.* **1**. Güllere bürenip oturan. *Dürli guşlar gül-pürçük pudaklarda saýraýar.* **2**. *göç.m.* Gelşikli, owadan, gözüň gidýän ýagdaýy, görnüş. *Otagyň içi gül-pürçük bezelipdir*.

**GÜLŞEN** [gülşön], *syp.* **1**. *ser.* **Gülzar**. **2**. Gyza dakylýan at.

**GÜLŞÜK**, *at,gepl. d., ser.* **Gülki**.

**GÜLŞÜKLI** [gülşüklü], *syp., gepl. d., ser.* **Gülküli**. *Ol birden gülşükli gürrüň tapýar*.

**GÜLTARAŞ**, *at.* Pagsadan edilýän jaýyň ýüzüne çekilýän bezeg, çyzmykly nagyş.

**GÜLTÄÇ** [gültäç], *at.* Güljagazyň ortasynda ýerleşýän we düzümi tozanjykly birýyllyk ot. *Galgan çylşyrymly güllüler maşgalasyna degişli, boýy 30-60 santimetre ýetýän baldagy kerepli ösüntgijikler bilen örtülen, ýapragy ýumşak, süýnmegräk, gyralary tikenli, gültäji gyzyl ýa-da gyzgylt reňkli birýyllyk otdur.*

**GÜLÜMJIREME** [gülümjürömö], *iş ady.* Gülümjiremek ýagdaýy.

**GÜLÜMJIREMEK** [gülümjürömök], *işl.* Çala ýylgyrmak, gülümsiremek, ýuwaşja gülmek. *Gelin birhili gülümjiredi* (T. Taganow).

**GÜLÜMJIREMEKLIK** [gülümjürömöklük], *iş ady.* Gülümjiremek işi.

**GÜLÜMJIREŞMEK** [gülümjüröşmök], *işl.* Iki ýa-da birnäçe bolup gülümjiremek.

**GÜLÜMJIREÝIŞ** [gülümjüröýüş], *iş ady.* Gülümjiremek ýagdaýy.

**GÜLÜMSEMEK** [gülümsömök], *işl., gepl. d., ser.* **Gülümsiremek**. *Bagt bilen balkyldaýan garamtyl gözleri, gülümseýän näzik dodaklary nähili gözel* ("Edebiýat we sungat").

**GÜLÜMSIREME** [gülümsürömö], *iş ady.* Gülümsiremek ýagdaýy.

**GÜLÜMSIREMEK** [gülümsürömök], *işl., ser.* **Gülümjiremek**. *Onuň ...gülümsireýän gözlerine nazaryny dikdi* (G. Kulyýew).

**GÜLÜMSIREMEKLIK** [gülümsürömöklük], *iş ady.* Gülümsiremek ýagdaýy.

**GÜLÜMSIREŞMEK** [gülümsüröşmök], *işl., ser.* **Gülümjireşmek**.

**GÜLÜMSIREÝIŞ** [gülümsüröýüş], *iş ady.* Gülümsiremek ýagdaýy.

**GÜLÜM-ÝALYM**: **gülüm-ýalym etmek** ýalandan gülümsirän bolmak, ýaranjaňlyk etmek.

**GÜLÜNMEK** [gülünmök], *işl.* **1**. Gülküli ses çykarylmak. *Ýol bilen geçip barýanyň yzyndan gaty gülünse, edepsizlik hasaplanýar*. **2**. Birini ýaňsa almak, masgaralamak üçin gülki astyna almak.

**GÜLÜSTAN** [gülüssa:n], *syp.* **1**. Bagy-bossan, güller mesgeni, giden güllük ýer, gülzar. **2**. Gyza dakylýan at.

**GÜLÜSTANLYK** [gülüssa:nlyk], *syp.* Bagy-bossanlyk, gülzarlyk. *Adamlar patyşanyň bu ýeri gülüstanlyga öwrenini görüp, ýene şol ýigidi patyşa edinipdirler* (Erteki).

**GÜLÜŞ**, *iş ady.* Gülmek ýagdaýy.

**GÜLÜŞDIRMEK** [gülüşdürmök], *işl.* Köpçüligi güldürmek, adamlaryň gülmegini gazanmak. *Ol çaý başynda şorta sözi orta atyp, töweregindäkileri gülüşdirýärdi.*

**GÜLÜŞMEK** [gülüşmök], *işl.* Bilelikde gülmek, köpçülik bolup gülmek.

**GÜLÝAKA**, *at.* **1**. *zergärç. s.* Türkmen gelin-gyzlarynyň ýakalaryna dakynýan ýüzi gaşly tegelek bezeg şaýy. *Gülýakaňy gül dek boýna, dakan çagyň ýatla meni* (G. Seýitliýew). **2**. Tahýa, kürtä salynýan gülýaka meňzeş nagyş.

**GÜLÝAÝDY**, *at.* Palasa, kürtä we ş.m. salynýan nagyş. *Gülýaýdy gelmez elinden, Iller ýatmaz dilinden* (Nakyl).

**GÜLZAR** [gülza:r], *syp.* **1**. Bag-bakjaly gülli ýer, otluk lälezar. *Ýaz bolsa açylar müň dürli gülzar, Baryp görgül eger bolsaň hyrydar* (Misgingylyç). **2**. Gyza dakylýan at.

**GÜLZARLYK** [gülza:rlyk], *syp.* Bag-bakjalyk, çemenlik, lälezarlyk. *Gyz: – Mähribanym, daş-töweregiň gülzarlyk, näme kemiň bolup ah çekdiň – diýipdir* (Erteki).

**GÜM**: **güm bolmak** ýitirim bolmak, ýok bolmak, owarra bolmak. *Gurlamaz gurbaga sazyny goýar, Dem tartmaz güm bolar mar sesin aňsa* (Zelili). **Güm etmek** ýitirim etmek, ýok etmek, owarra etmek. *Dost bahasyn kem etdigiň – Öz bahaňy güm etdigiň*

(G. Daşgynow). **Gümüni çekmek** ýok etmek, güm etmek, ýoguna ýanmak.

**GÜMAN** [güma:n], *at.***1**. Bir zat hakynda edilýän çak, çaklama. *Müňküre bilin baglanyň, Köňlünden güman gitmezmiş* (Magtymguly). **2**. *ser.* **Gümana**. *Bu dem ganymatdyr, neçün bilmezmen, Çyksa dem girmesi güman görüner* (Magtymguly).

◊ **Güman etmek** biridir ýa bir zatdyr öýtmek, bir göreniňe meňzetmek, çak etmek, çen etmek. *At bolsa eýesi oturandyr güman edip gymyldaman durdy* (A. Gowşudow).

**GÜMANA** [güma:na], *syp.* Boljagy-bolmajagy belli däl, näbelli, ikuçly, anyk, takyk däl. *Ertir hem geljegi gümana.*

**GÜMANSYRADYŞ** [güma:nsyradyş], *iş ady.* Gümansyratmak derejesi.

**GÜMANSYRATMA** [güma:nsyratma], *iş ady.* Gümansyratmak ýagdaýy.

**GÜMANSYRATMAK** [güma:nsyratmak], *işl.* Ikuçly etmek, näbelli etmek. *Gümansyradyp jogap bermek.*

**GÜMANSYZ** [güma:nsyz], *syp.* Açyk, açyk-dan-açyk, ikuçly däl, hökman, takyk.

**GÜMGIDEN** [gümğiden]: **gümgidene gitmek** gitse gelmeze gitmek. *Kymyş duzçy şol arkasyny öýüniň tärimine berip oturan ýerinde ogullarynyň, gelinleriniň, mähriban agtyklarynyň ýüregini sogrup, gümgidene gidip barýandyklaryny, olary beýtdirmezlige özüniň ýagdaýynyň ýokdugyny, biçäreligini ýatlap, gyýlyp gynanýardy* (A. Allanazarow).

**GÜMLAM** [gümla:m]: **gümlam etmek** ady-sory çykmaz ýaly ýere iberip ýok etmek.

**GÜMLEME** [gümlömö], *iş ady.* Gümlemek ýagdaýy.

**GÜMLEMEK** [gümlömök], *işl.* Bildirmän ýok etmek, ýitirim etmek, öldürmek, güm etmek.

**GÜMLEMEKLIK** [gümlömöklük], *iş ady.* Gümlemek işi.

**GÜMLEÝIŞ** [gümlöýüş], *iş ady.* Gümlemek ýagdaýy.

**GÜMMERÇEK** [gümmörçök], *syp., gepl.d.* Ýokaryk galyp, güberilip duran ýer, gümmez şekilli beýiklik.

**GÜMMEZ** [gümmöz], *at.* Käbir ymaratlaryň, metjitleriň we ş.m. üstündäki gupba şekilli ullakan güberçek we şol jaýyň özi. *Köne Marydan ýadygär Soltan Sanjar gümmezi uzakdan seleňläp görünýärdi* (B. Kerbabaýew).

**GÜMMEZEK** [gümmözök], *at.* Gupbanyň gümmez şekilli güberçek depesi. *Asmanam altyn çaýylan gupbanyň gümmezegi kimin depäňde lowurdap dur* ("Edebiýat we sungat").

**GÜMMEZEKLEME** [gümmözöklömö], *iş ady.* Gümmezeklemek ýagdaýy.

**GÜMMEZEKLEMEK** [gümmözöklömök], *işl.* Ýokaryk galyp, güberilip durmak, gümmez ýaly bolup durmak, tekizligiň üstünde saýlanyp durmak. *Sagrysy gümmezekläp duran owadan at.*

**GÜMMEZEKLEŞMEK** [gümmözöklöşmök], *işl.* Ýokaryk galşyp, güberilişip durmak, gümmez ýaly bolup durmak. *Daglaryň depeleri uzakdan gümmezekleşip görünýärdi.*

**GÜMMEZEKLEÝIŞ** [gümmözöklöýüş], *iş ady.* Gümmezeklemek ýagdaýy.

**GÜMMEZLEME** [gümmözlömö], *iş ady.* Gümmezlemek işi.

**GÜMMEZLEMEK** [gümmözlömök], *işl., ser.* **Gümmezeklemek**.

**GÜMMEZLEÝIŞ** [gümmözlöýüş], *iş ady.* Gümmezlemek işi.

**GÜMMI-SÜMMI** [gümmü-sümmü], *syp.* Näbelli, ikuçly, gümürtik, düşnüksiz. *Ol gümmi-sümmi jogap berdi.*

◊ **Gümmi-sümmä urmak** belli, anyk bir zat aýtman, aýdyňlaşdyrman goýmak. *Açyk bir zat diýip bilmedi-de, gümmi-sümmä urdy* (A. Gurbanow). **Gümmi-sümmi etmek** belli bir jogapsyz, gümürtik, näbelli edip goýmak, aýdyňlaşdyrman, düşnüksiz jogap bermek. *Sen gümmi-sümmi etme-de, düşnükliräk aýtsana!*

**GÜMMÜK-SÜMMÜK**, *at,ser.* **Gümmi-sümmi**.

**GÜMMÜRDEME** [gümmürdömö], *iş ady.* Gümmürdemek ýagdaýy.

**GÜMMÜRDEMEK** [gümmürdömök], *işl.* Gümmürdili ses çykmak, gümmürdili ses etmek, yzly-yzyna atylmak. *Toplar gümmürdäp başlady*.

**GÜMMÜRDEŞMEK** [gümmürdöşmök], *işl.* Gümmürdili sesler çykyp başlamak, yzly-yzyna gümmürdemek.

**GÜMMÜRDETMEK** [gümmürdötmök], *işl.* Gümmürdili ses çykarmak, gümmürdili seslendirmek. *Topçular toplary gümmürdedip başlaýar*.

**GÜMMÜRDEÝIŞ** [gümmürdöýüş], *iş ady.* Gümmürdemek ýagdaýy.

**GÜMMÜRDI** [gümmürdü], *at.* Top atylanda, gök gürlände, äpet bir jaý, ymarat ýykylanda we ş.m. döreýän güýçli güňleç sesiň ady. *Toplaryň gümmürdisi böwşeňleşdi* (A. Nazarow).

**GÜMMÜR-GÜMMÜR**, *s. ş. aňl. söz.* Dowamly çykýan gümmürdili ses. *Uzakda toplar gümmür-gümmür edip atylýardy*.

**GÜMP**, *s. ş. aňl. söz.* Agyr bir zat ýere gaçanda, zarply atylanda ýa-da ýere urlup degende emele gelýän gysga, güňleç ses.

**GÜMP-GÜMP**, *s. ş. aňl. söz.* Top, tüpeň we ş.m. yzly-yzyna atylanda çykýan sesler. *Atylýan topuň gümp-gümpi uzyn gije ýatmandyr.*

**GÜMP-SAMP**: **gümp-samp etmek** ynamsyz geplemek, aýtjak zadyňy pert-pert aýdyp bilmän, gümmi-sümmi etmek, sapajaklamak. *Ol bize netijeli bir zat aýtman, ýöne gümp-samp edip otyr.*

**GÜMPÜLDEME** [gümpüllömö], *iş ady.* Gümpüldemek ýagdaýy.

**GÜMPÜLDEMEK** [gümpüllömök], *işl.* **1**. Gümpüldili ses çykmak, gümpüldili ses emele gelmek. *Birden gümpüldäp, tüpeň sesi çykdy.* **2**. Gümp edip, atylyp gitmek.

**GÜMPÜLDEMEKLIK** [gümpüllömöklük], *iş ady.* Gümpüldemek ýagdaýy.

**GÜMPÜLDETMEK** [gümpüllötmök], *işl.* Gümpüldili ses çykarmak, gümpüldili seslendirmek. *Ol tüpeňi birden gümpüldedip atyp goýberdi.*

**GÜMPÜLDEÝIŞ** [gümpüllöýüş], *iş ady.* Gümpüldemek ýagdaýy.

**GÜMPÜLDI** [gümpüllü], *at.* Top, tüpeň we ş.m. atylanda, bir zat batly urlanda ýa-da ýere gaçanda döreýän sesiň ady.

**GÜMRA** [gümra:], *syp.* **1**. Bir işe, pikire berlip, diňe şoňa meşgullanýan, bir zada meşgul. *Her kim öz işi bilen gümrady* (B. Annageldiýew). **2**. Bir zada meşgullanyp, başga zatdan gapyl, daş-töwerekden bihabar. *Magtymguly, boýun goýgun bu emre, Mala meşgul bolup, ýatmagyn gümra* (Magtymguly).

◊ **Gümra bolmak** bir zada meşgullanmak, bir işe ünsüňi bermek. *Ýaşlardan saýlanyp çykyp bir gyra, Garrylar gürrüňe boldular gümra* (A. Kekilow).

**GÜMRÜK**, *at.* Serhetden geçirilip başga ýurda äkidilýän harytlardan, mallardan döwlet tarapyndan kesgitlenen möçberde alynýan pul, salgyt, paç.

**GÜMRÜKÇI** [gümrükçü], *at.* Gümrükhananyň işgäri, gümrük ýygnaýan ýa-da alýan adam.

**GÜMRÜKHANA** [gümrükha:na], Serhetden geçirilýän harytlary barlamak hem-de paç almak işlerini alyp barýan edara.

**GÜMÜRDEŞME** [gümürdöşmö], *iş ady.* Gümürdeşmek ýagdaýy.

**GÜMÜRDEŞMEK** [gümürdöşmök], *işl.* Özara gürrüň edişmek. *Gümürdeşip oturmak.*

**GÜMÜRDI** [gümürdü], *at.* Gürrüň, gep, gümür-ýamyr, hümürdi. *Meniň-ä gümürdim özüme ýetik.*

**GÜMÜRTIK** [gümürtük], *syp.* **1**. Gaty düşnükli däl, anyk däl, nätakyk. *Men oňa gümürtik jogap berdim.* **2**. Ynamsyz, şübheli.

**GÜMÜRTIKSIZ** [gümürtüksüz], *syp.* Gutarnykly, gep-gürrüňsiz. *Gümürtiksiz boýun egmek.*

**GÜMÜR-ÝAMYR**, *at.* Öz peýwagtyňa biri bilen edilýän gürrüň, özara mesaýy söhbet. *Olar esli wagt gümür-ýamyr edip oturdylar.*

**GÜN**, *at.* **1**. Gyzyl ot bolup duran, daşynda Ýer we beýleki planetalar aýlanýan togalak şekilli ägirt uly asman jisimi. *Gün dogup, äleme nuruny saçdy, dünýäni ýagtyltdy* (A. Gowşudow). **2**. Ir ertirden agşama çenli bolan wagt aralygy. *Uzyn gün. Uzakly gün. Her gün. On gün. Gün içinde bir gezek. Günüň dowamynda. Taňryň berha güni.* **3**. Ýaşaýyş, durmuş; güzeran. *Günüm üçin günim oglun allalaryn* (Nakyl). *Günüň namarda galmasyn.*

◊ **Gün bermezlik** azar bermek, ezýet bermek, ruhy taýdan ejir çekdirmek. **Güne gargap oturmak** uzak wagtlap günüň aşagynda oturmak. **Gün geçirmek** wagt geçirmek. **Güni gelmek** bir zat sebäpli özi üçin köp mümkinçilikler döremek, döwran aýlanmak. *Kösäniň güni geldi* ("Görogly"). *Möjek bolsa şunuň ýaly şum gijäniň gelmegine garaşýar, şeýle başagaýlykda onuň güni gelýär* (B. Gurbanow). **Gün görmek** durmuş üçin zähmet çekmek, güzeran görmek, eklenç etmek. **Gün orta bolmak** günüň gözýetimde iň ýokarda durýan wagty bolmak, günortan çagy bolmak. **Gününe goýmazlyk** öz erkine goýmazlyk, biriniň raýyna garaman azar bermek. *Indem ol naçaryň öňki adamsy gününe goýmaýarmyş* (G. Ezizow). *Garry geolog bolsa oglanlary getiriň diýip, bizi günümize goýman bärik iberdi* (N. Baýramow). **Gününe it aglamak** jebir-jepada ýaşamak, kyn durmuş geçirmek. *Ýyl agyr gelende, çopanyň gününe it aglardy*. **Gününi bulamak (çaýkamak)** rahat durmuşy bozmak, maşgala durmuşyna agzalalyk salmak. **Gününi geçirmek** bir işi ýerine ýetirmek üçin köp eglenmek. – *Dükana diýip gideliň näçe wagt boldy, o ýerde gününi geçiräýdiň-le!?* **Gününi sanap barmak** çalt ösmek, ulalmak, günsaýyn ösmek. **Gün tertibi 1)** ýygnakda garaljak meseleleriň jemi, yzygiderliligi. **2)** gündelik edilmeli işler hakynda düzgün, tertip. **Günüňe ýanaýyn!** tabşyrylan işi ýerine ýetiriji düýbünden oňarmadyk ýa-da örän ýaramaz ýerine ýetirende şonuň özi babatynda aýdylýan söz. **Gün ýamanyny görmek** agyr günde bolmak, kynçylyk çekmek, gaty horlanmak, jebir-sütem çekmek. *Türkmenistan özbaşdak bolýança halk gün ýamanyny gördi.* **Iş güni 1**) edarada, kärhanada işlenýän gün. **2**) *taryh.* kolhozçylaryň zähmetini hasaba alyş birligi. **Ýele – ýelken, güne – galkan (bolmak)** yssy, sowuk diýmän zähmet çekmek, işlemek. *Ol bütin ömrüne ýele – ýelken, güne – galkan bolup, gün-güzeranyny aýlapdy, şeýdip atasyz galan çagajyklaryny ulaldyp, adam edip ýetişdiripdi.*

**GÜNAŞA** [güna:şa], *hal.* Bir gün geçirip, ikinji gün, bir gün ara salyp, başaşa gün.

**GÜNAŞALYK** [güna:şalyk], *syp.* Bir günden artyk wagt aralygy üçin çaklanan, bir günden artygrak bolar ýaly. *Günaşalyk azyk.*

**GÜNBATAR** [günmatar], *at.* **1**. Gündogaryň garşysy we şol ugur, günüň ýaşýan tarapy. *Myrat aga eşegini münüp, obadan saýlandy-da, ýokarrakdan derýanyň köprüsinden günbatar tarapyna geçdi* (H. Derýaýew). **2**. *geogr.* Günbatar Ýewropa ýurtlary.

**GÜNBE-GÜNDEN** [günmö-ğünnön], *hal., ser.* **Gün-günden**.

**GÜNDE** [günnö], *hal.* Her gün.

**GÜNDE-GÜNAŞA** [günnö-ğüna:şa], *hal.* Her gün ýa-da gün aşyryp. *Men saňa günde-günaşa diýen ýaly hat ýazyp duraryn.*

**GÜNDE-GÜNDE** [günnö-ğünnö], *hal.* Gün yrman, her gün, her gün. *Gözel bardyr günde-günde görmeli, Şol gözeliň syýa zülpün örmeli* (Magtymguly). *Mekdep müdiriniň günde-günde gelip-gitmesi adaty zat* ("Türkmenistan").

**GÜNDEKI** [günnökü], *syp.* Bir günüň içinde, bir günlük. *Gündeki iýjegiňi günde gazanmak.*

**GÜNDELIK** [günnölük], *at.* **1**. Her gün çykýan. *Gündelik gazet*. **2**. Öýe berlen ýumuşlar we okuwçynyň ýetişigi boýunça alan bahasy goýulýan depderçe. *Okuwçynyň gündeligi.* **3**. Öz pikiriň, hyýalyň we ş.m. zatlar ýazmak üçin tutulan depder.

**GÜNDEŞ** [günneş], *at*, *ser*. **Güni**.

**GÜNDIZ** [günnüýz], *hal.* Gün dogandan başlap, onuň tä ýaşýan wagtyna çenli aralyk, ir ertirden agşama çenli aralyk, howanyň ýagty wagty.

**GÜNDIZINE** [günnüýzünö], *hal.* Gündiz wagty, günüň dowamynda, Gün barka. *Gündizine bu meýdanlar tamdyr ýaly gyzýardy*.

**GÜNDIZKI** [günnüýzkü], *syp.* Gündiz bolýan, gündize degişli, gündiz dowam edýän. *Gündizki otly*.

**GÜNDIZKÖR** [günnüýzkö:r], *at.* Kepderiden kiçiräk garamtyl, çal-goňur ýelekli, guýrugy sarymtyl çyzmykly, möwsümleýin göçýän, ýerde höwürtgeleýän, uly bolmadyk çüňkli, mör-möjekleri iýýän, gije uçýan guş.

**GÜNDIZLIK** [günnüýzlük], at. Gündiz wagty. *Bu işiňi gündizlikde edäýseň kem bolmazdy*. *Gözedürtme aýsyz garaňky gije, Ýagtylanyp, gündizlige öwrüldi* (A. Kekilow).

◊ **Gündizlik ýaly** örän ýagty. *Çyralar ýanyp, garaňky köçe gündizlik ýaly boldy.*

**GÜNDOGAR** [günnoğor], *at.***1**. Günbataryň garşysy we şol ugur, Günüň dogýan tarapy. **2**. *geogr.* Günbatar ýurtlaryň garşysynda ýerleşýän ýurtlar.

**GÜNDÜŞMEZ** [günnüşmöz], *at.* Atyň toýnagynyň syrt gapdalyndaky çukanak ýer.

**GÜNEBAKAR** [günövakar], *a, ösüml. d.* Däneliler maşgalasyna degişli, boýy 1,5-2 m ýetýän güýçli kökli, şahaly, uly ýaprakly, ösüp boýuny alansoň, tegelek, ortasy güberçek görnüşli baş getirip tohumlanýan bir ýyllyk ösümlik. Baş turba şekilli sary güller bilen örtülýär. Tohumy-çigidi bişip ugransoň, gülleri dökülýär. Başy dik ýa-da eglip duran görnüşde bolýar. Çigidinden ýag alynýar. Günebakaryň başy Günuň hereketi bilen bagly bolansoň, oňa günebakar diýen at berlipdir.

**GÜNEGARGAN** [günöğarğa:n], *at.* Hažžygyň bir görnüşi, kelpeze, gökdamak, günesöger, günegargar.

**GÜNEGARGAR** [günöğarğa:r], *at, ser* **Günegargan**.

**GÜNEMA** [günöma:], *at, ser.* **Güzeran**.

**GÜNEŞ** [günöş], *at.* **1**. Gün düşýän ýer, gün düşýän tarap, Günüň şöhlesi düşýän ýer. *Ýaşulylar güneşde çaý içip otyrdylar.* **2**. Günüň nury, şöhlesi. *Gün guşluga galanda,bulutlar syrylyp, güneş ýalpyldap çykdy*.

**GÜNEŞLEME** [günöşlömö], *iş ady.* Güneşlemek ýagdaýy.

**GÜNEŞLEMEK** [günöşlömök], *işl.* Güneşde oturmak, Gün düşýän ýerde oturyp, güne çoýunmak, Günüň gyzgynyna ýylynmak, güneşe çykmak. *Haçan görseň öýüň gapdalynda güneşläp otyrsyň-la?* (Ý. Mämmediýew).

**GÜNEŞLEMEZLIK** [günöşlömözlük], *iş ady.* Güneşläp oturmazlyk.

**GÜNEŞLEÝIŞ** [günöşlöýüş], *iş ady.* Güneşlemek ýagdaýy.

**GÜNEŞLI** [günöşlü], *syp.* Günüň şöhlesi düşýän, günüň ýagtysy, ýylysy köp bolan. *Birden güneşli ülkesi hakydasyna geldi* (A. Nazarow).

**GÜNEŞLIK** [günöşlük], *at.* Güneş ýer, gün şöhlesiniň köp düşýän ýeri.

**GÜNEÝ** [günöý], *at.* Dagyň, depäniň we ş.m. gün düşýän tarapy. *Ýandakdan basylyp edilen agyllaryň ygynda, ýylgyndyr gandymlaryň düýbünde, gum depeleriniň güneýinde iňňäň ujy ýaly bolup dürterip çykan gyrtyçlar basym geljek joşgunly baharyň buşlukçylary ýaly bolup jyklaşýardylar* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Älem içre at gezer", 8 s.). *Adamlar bolsa galanyň güneýinde ýa-da guzaýynda üýşüşip, gürrüňe meşguldylar* (A. Gowşudow). *Güneýleri bardyr ýaşyl ýylakly* (K. Gurbannepesow).

**GÜNEÝIK** [günöýük], *at. ösümlik d.* Çägesöw depelerde bitýän, inçejik ýaprakly, ak gülli ot.

**GÜNÄ**, *at.* **1**. Şerigatyň düzgünlerini bozmaklyk, dini taglymata ters gelýän hereket. *Çöregi zyňmak günädir.* **2**. Ýüregiňe düwmek ýa-da seresapsyzlyk bilen edilen jenaýatçylykly hereket, etmiş. **3**. Pähimsizlik bilen edilen hata, ýalňyşlyk.

◊ **Günä etmek** ýalňyş, nädogry iş etmek. **Günä ýüklemek** boýnuna günä atmak, günä ýöňkemek, ýazykly hasaplamak. **Günäňi dökmek** günäden saplanmak. *Gadym zamanlarda adamlar günäsini dökmek üçin şaman odunyň üstünden böküpdirler*.

**GÜNÄKÄR** [günä:kä:r], *syp.* **1**. Jenaýatçylykly iş eden, etmişli. **2**. Özüni günäli duýýan. *Myrat günäkär görnüşde gözlerini mölerdipjik ýere seredip durdy* (Ö. Abdyllaýew). **3**. *göç. m., ser.* **Sebäpkär**.

**GÜNÄKÄRLEME** [günä:kä:rleme], *iş ady.* Günäkärlemek ýagdaýy.

**GÜNÄKÄRLEMEK** [günä:kä:rlemek], *işl.* Günä ýüklemek, aýyplamak.

**GÜNÄKÄRLEMEZLIK** [günä:kä:rlemezlik], *iş ady.* Günä ýöňkemezlik, günä ýüklemezlik.

**GÜNÄKÄRLENMEK** [günä:kä:rlenmek], *işl., ser.* **Günälenmek**.

**GÜNÄKÄRLEÝIŞ** [günä:kä:rleýiş], *iş ady.* Günäkärlemek ýagdaýy.

**GÜNÄKÄRLIK** [günä:kä:rlik], *at.* Günäkär bolmaklyk, günäli ýagdaýda bolmaklyk, günäsi barlyk, günäsiz dällik.

**GÜNÄLEME** [günä:leme], *iş ady.* Günälemek ýagdaýy.

**GÜNÄLEMEK** [günä:lemek], *işl.* Günä bildirmek, günä ýöňkemek.

**GÜNÄLEMEZLIK** [günä:lemezlik], *iş ady.* Günä bildirmezlik, günä ýöňkemezlik.

**GÜNÄLENMEK** [günä:lenmek], *işl., ser.* Günä bildirilmek, günä ýöňkelmek. *Kazy günälenýäne iň soňky sözüni berdi.*

**GÜNÄLÄBERMEK** [günä:läwermek], *işl.* Günäläp ugramak. *Adamy beýdip ýersiz ýere günäläbermek bolarmy?*

**GÜNÄLI** [günä:li], *syp.* Jenaýatçylykly iş eden, etmişli, günali hasaplanan. *Günäliň oduna bigünä ýanar* (Nakyl).

**GÜNÄLILIK** [günä:lilik], *at.* Günäli bolmaklyk, günäsi barlyk, günäsiz dällik.

**GÜNÄSIZ** [günä:siz], *syp.* Günäsi ýok, günäli däl.

**GÜNÄSIZLIK** [günä:sizlik], *at.* Günäsiz bolmaklyk, günäsi ýokluk, günäli dällik.

**GÜN-GÜNDEN** [gün-ğünnön], *hal.* Günsaýyn, gün geldikçe, günbe-günden.

**GÜNI** [günü], *at.* Köp aýally adamyň aýallarynyň biri-birine bolan garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz.

**GÜNIN** [günüýn], *hal.* Bir günüň içinde, şol günüň dowamynda, gün aşman. *Günin gaýdyp geljek bolaryn.*

**GÜNLÜK**, *at.***1**. Gün hasaby bilen ölçelýän, hasaplanýan, bir güne barabar, deň bolan mukdar (ýol, azyk we ş.m.). *Bir günlük ýola çyksaň, üç günlük azyk al* (Nakyl). **2**. *kön. s.* Saýawan. *Beset altynly günlügini dikip oturar eken* ("Kitaby dädem Gorkut").

**GÜNLÜKÇI** [günlükçü], *at.* Geçmişde her günki eden işine görä hak alyp işlän adam.

**GÜNLÜKÇILIK** [günlükçülük], *at.* Günlükçi bolup işlemeklik, günlükçiniň ýagdaýy. *Günlükçilik etmek.*

**GÜNORTA** [günorto], *at.* **1**. Demirgazygyň gabat garşysy we şol ugur, ileri. **2**. Demirgazygyň garşysynda ýerleşýän ýerler. **3**. Günüň ýerden iň ýokary derejesine galyp, orta bolýan wagtynyň ady. *Günortadan soň gelerin*.

**GÜNORTA-GÜNBATAR** [günorto-ğünmatar], *at.* Günorta bilen Günbataryň aralygy.

**GÜNORTA-GÜNDOGAR** [günorto-ğünnoğor], *at.* Günorta bilen Gündogaryň aralygy.

**GÜNORTAN** [günorta:n], *hal.* Günüň orta bolýan wagty. *Şol gün günortan bolsa kolhoz harmantoý berdi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Döwlet guşy"). *Çopanlar günortan mallary ýatyrýarlar*.

**GÜNSAÝYN** [günsa:ýyn], *hal,ser.* **Günbe-günden**. *Güneşli paýtagtymyz günsaýyn gözellenýär* ("Edebiýat we sungat").

**GÜNUZYN** [günuzyýn], *hal.* Bütin bir günüň dowamynda, ertirden tä agşama çenli, uzynly gün. *Howa sowuk bolanda, ol sygyrlaryna günuzyn ýyly suw berýärdi*.

**GÜNÜBIRIN** [günüvi:ri:n], *hal.* Edil şol günüň özünde, bir günde, arasyna gün salman, çalt, derrew, salymyny bermän. *Kemçilikleriň günübirin öňüni almaly.*

**GÜŇ**, *syp.* **1**. Ker hem lal, gulagy eşitmeýän we geplemeýän. **2**. *göç. m.* Bir sebäbe görä huşy giden, aňkaw, aňkasy aşan. *Men güýçli partlamalaryň zarbyndan güň bolupdyryn*.

**GÜŇLEÇ** [güňlöç], *syp.* Tutuk, güňläp çykýan (ses). *Güňleç ses.*

**GÜŇLEME** [güňlömö], *iş ady.* Güňlemek ýagdaýy.

**GÜŇLEMEK** [güňlömök], *işl.* Güň-güň edip tutuk ses çykmak.

**GÜŇLEÝIŞ** [güňlöýüş], *iş ady.* Güňlemek ýagdaýy.

**GÜŇLÜK**, *at.* Lallyk, geplemekden, eşitmekden mahrumlyk.

**GÜPI**, *syp.* Bolar-bolmaz öwünýän, bir zady ulaldyp, dilde aňsat edip paňlaýan (adam hakynda). *Seni beýle güpsüň öýtmeýärdim*.

◊ **Güp urmak** öwünmek, çeniňi-çakyňy bilmän paňlamak. **Güp ýaly çişmek** uly çiş emele gelmek. *Kesek degen ýeri güp ýaly çişipdir.*

**GÜP II**, *at.* Aşagynda ot ýakylyp, çaý suwuny gaýnatmak üçin ulanylýan uly gap, kip. *Toýlarda güp oturdylyp çaý gaýnadylýar.*

**GÜP III**, *s. ş. aňl. söz* . Bir zat ýere gaçanda çykýan ses. *Ýüküň üstündäki ýassyk güp edip ýere gaçdy.*

**GÜPBAG** [güpba:ğ], *at, gepl. d., kön. s.* Harby gullukçylaryň wagtlaýyn tussaglykda saklanylýan jaýy.

**GÜPBASSY** *ser.* **Gürpbasdy**.

**GÜPBE** [güpbö], *hal.* Bada-bat, derrew, birden. *Halyçylyk ussahanasyna baranyňda-da, şol söz güpbe ýadyňa düşýär* ("Edebiýat we sungat").

**GÜPBERILMEK** [güpbörülmök], *işl.* Çişip, galňap tümmermek, gabarylmak, güberilmek. *Galyň eşik geýip güpberilmek.*

**GÜPBERIŞ** [güpbörüş], *iş ady.* Güpbermek ýagdaýy.

**GÜPBERIŞMEK** [güpbörüşmök], *işl.* Çişip, galňap tümmerişmek, güberişmek.

**GÜPBERME** [güpbörmö], *iş ady.* Güpbermek ýagdaýy.

**GÜPBERMEK** [güpbörmök], *işl.* Çişip, galňap tümmermek, gabarmak, gübermek. *Galyň egin-eşik geýip güpbermek.*

**GÜPBERTMEK** [güpbörtmök], *işl.* Çişirip, galňadyp tümmertmek, gabartmak.

**GÜPBI** [güpbü], *at.* Içine pagta salnyp tikilen gysga we galyň daşky eşik.

**GÜPBÜLDEME** [güpbüllömö], *iş ady.* Güpbüldemek ýagdaýy.

**GÜPBÜLDEMEK** [güpbüllömök], *işl.* Urgudan güňleç güpbüldili ses çykmak, ýumşak zat urlanda güp-güp edip seslenmek.

**GÜPBÜLDETMEK** [güpbüllötmök], *işl.* Ýumşak zady urup güp-güp etdirmek, güpbüldili ses çykarmak.

**GÜPBÜLDEÝIŞ** [güpbüllöýüş], *iş ady.* Güpbüldemek ýagdaýy.

**GÜPBÜLDI** [güpbüllü], *syp.* Bir zat başga bir ýumşak zada urlup, degip çykýan sesiň ady. *Daşardan güpbüldi sesi eşidildi.*

**GÜP-GÜP**: **güp-güp etmek 1)** yzly-yzyna güpbüldemek, lap-lap edip ýanmak. **2)** uly-uly gürlemek, hondanbärsi bolup gopbamsy gürlemek. *Güp-güp eder, men-men diýer, şondan habardar boluň!* (G. Seýitliýew).

**GÜPI** [güpü], *at.* Gatygy ýaýyp, ýagyny almak üçin ýanlyk deregine ulanylýan içi köwlen süýri daş ýa-da agaç gap.

**GÜPJEK** [güpjök], *at.* Iki tarapy büzülen togalak, süýri ýassyk.

**GÜPLEME** [güpülömö], *iş ady.* Güplemek ýagdaýy.

**GÜPLEMEK** [güpülömök], *işl.* **1**. Ýere batly urulmak, güpbüldili seslenmek. *Düýbüne orak salnan jöwen palajy ýaly güpläp gaýtdy* (N. Jumaýew). **2**. Gaz ýa-da ýangyr jisimler toplanyp, birden partlap ýanmak. *Birden pejiň ody güpläp, daşyna urdy*. **3**. Çakdanaşa özüňi öwmek, öwnüp gürlemek, öwünmek, paňlamak. *Güpläp oturmagyň özi bir gowy gylyk däl*.

**GÜPLEŞMEK** [güpülöşmök], *işl.* Iki ýa-ondan köp bolup güplemek (*ser*. **Güplemek 2**), paňlaşmak.

**GÜPLETMEK** [güpülötmök], *işl.* Gaty urmak, batly urmak, güpbüldili ses çykarmak.

**GÜPLEÝIŞ** [güpülöýüş], *iş ady.* Güplemek ýagdaýy.

**GÜPLÜK**, *at.* Öwünjeňlik, men-menlik, paň-paňlyk.

**GÜPÜRDEME** [güpürdömö], *iş ady.* Güpürdemek ýagdaýy.

**GÜPÜRDEMEK** [güpürdömök], *işl.* **1**. Güpürdili seslenmek, güpür-güpür ses çykmak. *Dokma daragyň sesi güpürdäp çykýardy*. **2**. Jugurdamak (iç hakynda).

**GÜPÜRDEŞMEK** [güpürdöşmök], *işl.* Ýerli-ýerden güpürdäp, köp bolup güpürdäp başlamak. *Agyr süri möjek gören ýaly, güpürdeşip ördi* (B. Seýtäkow).

**GÜPÜRDETMEK** [güpürdötmök], *işl.* Güpürdili seslendirmek, güpür-güpür ses çykarmak. *Ýaş ýigit atyny güpürdedip geldi.*

**GÜPÜRDEÝIŞ** [güpürdöýüş], *iş ady.* Güpürdemek ýagdaýy.

**GÜPÜRDI** [güpürdü], *at.* **1**. Käbir haýwanyň, adamyň we ş.m. çalt hem sazlaşykly hereket edýän wagty aýaklaryndan çykýan sesiň ady. *At toýnagynyň güpürdisi.* **2**. Bir zat ýere gaçanda, ýykylanda çykýan sesiň ady. *Ol sözüni soňlap-soňlamanka-da bir güpürdi boldy* ("Edebiýat we sungat").

**GÜPÜR-GÜPÜR** [güpür-ğüpür], *s. ş. aňl. söz.* **1**. Käbir haýwanyň, adamyň we ş.m. çalt hem sazlaşykly hereket edýän wagty aýaklaryndan çykýan tapyrdyly, güpürdili sesler. *Dokma kakylanda daraklar güpür-güpür edip seslenýär. – Baryň, aýlanyň, ýatagyň golaýynda güpür-güpür sesler bar ýaly-la?!* **2**. Içegelere ýel düşüp, yzygiderli seslenmeginden çykýan ses. *Içiň güpür-güpür etmek.*

**GÜPÜR-TAPYR**, *at.* **1**. Başly-baratly çykýan güpürdili hem-de tapyrdyly sesler. *Bu güpür-tapyra Baharyň ejesi oýanypdyr* (A. Gowşudow). **2**. *hal.* Birden, bada-bat, hasyr-husur, ur-tut, çalt, derrew. *Güpür-tapyr basmak.*

**GÜPÜR-TAPYRLYK**, *at.* Güpürdi hem tapyrdy garyşykly döreýän ýagdaý, başagaýlyk. *Bu güpür-tapyrlyk daň saz berýänçä dowam etdi* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Älem içre at gezer"). *Güpür-tapyrlygyň arasynda bir adam dazyrdap çadyrdan çykdy* (Ý. Mämmediýew).

**GÜPÜRT-GÜPÜRT**, *s. ş. aňl. söz, ser.* **Güpür-güpür**.

**GÜPÜRT-TAPYRT**, *s. ş. aňl. söz, ser.* **Güpür-tapyr**.

**GÜPÜRT-TAPYRTLYK**, *at,ser.* **Güpür-tapyrlyk**.

**GÜR I**, *syp.* Biri-birine gaty ýakyn, arasy ýygy, biri-birine degip duran, seýrek däl. *Gür tokaýlyk.*

**GÜR II**: **gür bermek** bir zat hakynda gürrüň bermek, ondan-mundan gürrüň etmek. *Otuz ýaşy ýaňy arka atan gelin joşgunly gür berýär* ("Edebiýat we sungat").

**GÜRBE** [gürvö], *at, kön.s.* Pişik. *Gaplaň güýçden galar, döner gurt gürbä* (Magtymguly).

**GÜRÇÜLDEME** [gürçüllömö], *iş ady.* Gürçüldemek ýagdaýy.

**GÜRÇÜLDEMEK** [gürçüllömök], *işl.* Gürçüldili ses çykmak, gürç-gürç edip seslenmek. *Atyň agzynda arpa gürçüldeýärdi.*

**GÜRÇÜLDETMEK** [gürçüllötmök], *işl.* Gürç-gürç edip ses çykarmak, gürçüldili çeýnemek. *Eşek bugdaý jaryny gürçüldedýärdi.*

**GÜRÇÜLDEÝIŞ** [gürçüllöýüş], *iş ady.* Gürçüldemek ýagdaýy.

**GÜRÇÜLDI** [gürçüllü], *at.* Mallar arpa we ş.m. däne iýen wagty çykýan sesiň ady.

**GÜRELIŞ** [gürölüş], *iş ady.* Gürelmek ýagdaýy.

**GÜRELIŞMEK** [gürölüşmök], *işl.* **1**. Gür bolup başlamak, ýygylaşmak. *Meniň saçym ýyl-ýyldan gürelişýär.* **2**. Bir ýere köp gelişmek, toplanyşmak. *Märeke dura-bara gürelişip ugrady.*

**GÜRELME** [gürölmö], *iş ady.* Gürelmek ýagdaýy.

**GÜRELMEK** [gürölmök], *işl.* **1**. Arasy biri-birine ýakyn bolmak, ýygalmak, gür bolmak. *Tokaýyň agajy barha gürelýär.* **2**. Ýygy-ýygydan, çalt-çaltdan, tiz-tizden ýüze çykmak. *Şeýle gatnaşyklaryň hasam gürelmegini arzuw edeliň!* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Bir ýere ýeke-ýekeden, köp-köpden gelip toplanmak, üýşmek. *Bazardaky adamlar gitdigiçe gürelýärdi.*

**GÜRELTMEK** [güröltmök], *işl.* **1**. Arasyny biri-biri bilen ýygy etmek, ýakyn etmek, ýygaltmak. *Agaçlaryň arasyny güreltmek üçin, ýaş nahallar oturtdyk.* **2**. Ýygy-ýygydan, çalt-çaltdan gelmek, gitmek, barmak. *Goňşyňyz soňky döwürde size gelip-gitmesini gürelden ýaly.*

**GÜREME** [gürömö], *iş ady.* Güremek ýagdaýy.

**GÜREMEK** [gürömök], *işl., gepl. d., ser.* **Gürelmek**. *Ýaňyrak uçganaklap başlan gar kem-kemden güredi.*

**GÜREÝIŞ** [güröýüş], *iş ady.* Güremek ýagdaýy.

**GÜR-GÜR** [gür-ğür], *s. ş. aňl. söz.* Gök gürlände, motor işlände, maşyn ýörände, çarh aýlananda we ş.m. ýagdaýlarda çykýan sesler.

◊ **Gür-gür silkinmek** yzly-yzyna gaty-gaty silkinmek, öwran-öwran silkinmek. *Dor alaşa gür-gür silkindi.*

**GÜRI** [gürü], *syp., ser.* **Gür**. *Ol güri gara sakgalynyň ujuny çyrpyp, gyrçuw edipdir* (A. Gowşudow).

**GÜRJI** [gürjü] **I**, *at, kön. s., ser.* **Gruzin**. *Geçer egremçeden bili gürjiniň* ("Saýatly – Hemra"). *Heniz uly bir kynçylygy görmedik bu gürji ýigidi üçin Garagum howasy ýarasa-da, meýdan işi bada-bat ýeňil düşmedi* (K. Berdiýew).

**GÜRJI** [gürjü] **II**, *at,gepl.d.* Itleriň müçesi kiçijik tohumy hem-de şol tohumdan bolan it. *Seresap bol, onuň gapysynda gürjüsi bardyr.*

**GÜRLEME** [gürlömö], *iş ady.* Gürlemek ýagdaýy.

**GÜRLEMEK** [gürlömök], *işl.* **1**. Gürrüň etmek, söz sözlemek, geplemek. *Gürläp oturmak.* **2**. Gürrüldili seslenmek, ses çykarmak, arlamak. *Gaplaň gürlär çaý içinde, Gurçuk ýörär laý içinde* (Magtymguly). *Gök gürledi.*

**GÜRLEMEKLIK** [gürlömöklük], *iş ady.* Gürlemek ýagdaýy.

**GÜRLEMEZLIK** [gürlömözlük], *iş ady.* **1**. Geplemezlik. **2**. Gürrüldili seslenmezlik, gürrüldili ses çykarmazlyk, arlamazlyk.

**GÜRLEMSEK** [gürlömsök], *syp.* Gürlemegi gowy görýän, köp gürleýän, ýaňra. *Ýaş-ýeleň gürlemsek bolsa halamaz* ("Edebiýat we sungat").

**GÜRLEMSEKLIK** [gürlömsökluk], *at.* Gürlemsek gylykly bolmaklyk.

**GÜRLENMEK** [gürlönmök], *işl.* Gürrüň edilmek, geplenmek, sözlenmek. *Biziň dilimizde beýle gürlenmeýär.*

**GÜRLEŇGÜJÜK** [gürlöňňüjük], *at.* Ýumşak ýerde guýguç şekillije çukanak edinip ýaşaýan kiçijik möjejik.

**GÜRLEŞDIRMEK** [gürlöşdürmök], *işl.* Pikir alyşmak maksady bilen iki adamy ýa-da iki tarapy gepleşdirmek. *Olary gürleşdirip görmeli.*

**GÜRLEŞILMEK** [gürlöşülmök], *işl., ser.* **Gürleşmek**. *Olar bilen öz ýerinde kesgitli gürleşildi.*

**GÜRLEŞMEK** [gürlöşmök], *işl.* **1**. Biri bilen gürrüň etmek, söhbet edişmek. **2**. Wadalaşmak, dilleşmek, belli bir netijä gelmek. *Gep şu bolsun, gürleşdik!*

**GÜRLETDIRMEK** [gürlötdürmök], *işl., ser.* **Gürletmek**.

**GÜRLETMEK** [gürlötmök], *işl.* **1**. Gürlär ýaly etmek, gür berdirmek. *Radioda gürletmek.* **2**. Diýmedik zadyňa diýdi diýmek, diýmedigiňi diýdirmek. *Ýok ýerinde birini gürletmek.*

**GÜRLEWÜK** [gürlöwük] **I**, *syp.* Gür-gür edýän, gürrüldili ses çykarýan.

**GÜRLEWÜK** [gürlöwük] **II**, *at.* Sapana salyp atylanda seslenip, öz sesi bilen guşlary ürküzýän, ýörite eýlenip ýasalan, içi birnäçe deşikli guran togalak palçyk.

**GÜRLÄBERMEK** [gürlävermek], *işl.* Gürläp ugramak. *Geplemän oturanlaram birden gürläberdi.*

**GÜRLÜK I**, *at.* Arasy ýakynlyk, ýygylyk, selçeň dällik. *Bu ýerde gowaçalaryň gürlük ýagdaýy hem, bejerilişi hem gowy.*

**GÜRLÜK II**, *at.* Gaňňanyň ýan agaçlaryny birleşdirýän egri agaç. *Ol eşegiň gürlüginden asylgy torbany aldy*.

**GÜRMEK** [gürmök], *syp., at.* Bir ýerde üýşüp duran, bir ýere toplanan, topbak, üýşmek. *Gürmege siňmek. Gürmek goýun.*

**GÜRMEKBAG** [gürmökba:ğ], *at.* Daňylýan bagyň bir görnüşi. *Sygryň boýnuna gürmekbag salmak.*

**GÜRMEKLIK** [gürmöklük], *at.* Köp adam üýşen ýer, üýşmeleň, köpçülik, märeke. *Gurban gürmeklige tarap ylgap gitdi.*

**GÜRMETOP** [gürmötop], *at.* Toýuň soňunda ýakyn aralyga köp at goýberilip geçirilýän ýaryş, jemleýji çapyşyk.

**GÜRP I**, *s. ş. aňl. söz.* Bir zat ýere gaçanda ýa-da bir zada urlanda çykýan ses.

**GÜRP II**: **orta gürp 1)** orta hal, orta dereje, orta ýagdaý, ne baý, ne garyp. *Ol orta gürp adamdy.* **2)** takmynan ortasy, ortaky bölek, merkez. *Obanyň orta gürpi.*

**GÜRPBASDY**, *at.* Duzak hökmünde, üsti bilinmez ýaly edilip, ýuka, ýeňil basyrylýan çukur ýa-da garym. – *Seresap bolan ýagşy, basan ýerimiz gürpbassy bolup çykaýmasyn – diýdi* (G. Kulyýew).

**GÜRPEDE-GÜRPE** [gürpödö-ğürpö], *s. ş. aňl. söz.* Ýumruk, taýak we ş.m. bilen urlanda çykýan ses, gezekli-gezegine çykýan gürp-gürp ses.

**GÜRP-GÜRP**, *s. ş. aňl. söz.* Yzly-yzyna çykýan gürpüldili ses.

**GÜRPÜLDEME** [gürpüllömö], *iş ady.* Gürpüldemek ýagdaýy.

**GÜRPÜLDEMEK** [gürpüllömök], *işl.* **1**. Gürpüldili ses çykmak, gürpüldili seslenmek. *Şol bada sapança güňleç ses bilen gürpüldedi* (B. Seýtäkow). **2**. Bat bilen ýykylmak. *Gürpüldäp ýykylmak*.

**GÜRPÜLDEŞMEK** [gürpüllöşmök], *işl.* Yzly-yzyna gürpüldili ses çykmak, köp ýerden gürpüldili ses etmek.

**GÜRPÜLDETMEK** [gürpüllötmök], *işl.* **1**. Gürpüldili ses çykarmak. *Ädigiňi gürpüldedip ýöremek.* **2**. Bat bilen ýykmak. *Birdenem elhenç şakyrdyly güwwül-di kiçijik tamymyzy gürpüldetdi* ("Edebiýat we sungat").

**GÜRPÜLDEÝIŞ** [gürpüllöýüş], *iş ady.* Gürpüldemek ýagdaýy.

**GÜRPÜLDI** [gürpüllü], *at.* Ýumşak, gowşak zada urlanda ýa-da bir zat ýykylanda çykýan sesiň ady. *Aýylganç gürpüldi.*

**GÜRRE** [gürrö]: **gürre örmek** birden turmak, birden galmak, topary bilen turmak. *Gäwüşini çalyp, rahat ýatan süri gürre örýär.* **Gürre silkinmek** *ser.* **Gür-gür silkinmek**. *Taý bir agynap turdy-da, gürre silkindi* ("Görogly").

**GÜRRÜLDEME** [gürrüllömö], *iş ady.* Gürrüldemek ýagdaýy.

**GÜRRÜLDEMEK** [gürrüllömök], *işl.* Gürrüldili ses çykmak, gür-gür edip seslenmek.

**GÜRRÜLDEŞMEK** [gürrüllöşmök], *işl.* Köp zat ýerli-ýerden gürrüldili ses çykarmak, gürrüldili seslenmek. *Traktorlar gürrüldeşip başladylar.*

**GÜRRÜLDETMEK** [gürrüllötmök], *işl.* Gürrüldili ses çykartmak, gürrüldili ses etdirmek.

**GÜRRÜLDEÝIŞ** [gürrüllöýüş], *iş ady.* Gürrüldemek ýagdaýy.

**GÜRRÜLDI** [gürrüllü], *at.* Gök gürlände, motor işlände, maşyn ýörände, çarh aýlananda we ş.m. ýagdaýlarda çykýan sesiň ady.

**GÜRRÜLDILI** [gürrüllülü], *syp.* Gürrüldisi bar, gürrüldeýän (ses hakda). *Güýçli gürrüldili, haýbatly sesli, Al howada gezýär, polatdyr asly* (A. Salyh). *Gürrüldili el çarpyşmalar.*

**GÜRRÜŇ**, *at.* **1**. Pikir alyşmak üçin iki ýa-da köp adamyň arasynda bolýan gepleşik, söhbet. **2**. Il içinde bolýan dürli çaklama habar, myş-myş. *Garaz, bu gürrüň onunjy, on bäşinji adamdan geçip, saý-sebäp bilen onuň gulagyna ýetipdir* (B. Seýtäkow). **3**. Biri ýa-da bir zat hakynda edilýän söhbet.

◊ **Gürrüň açmak** bir mesele hakynda gürrüň edip başlamak, söz açmak. **Gürrüň bermek** bir zat hakynda birini habarly etmek, aýtmak. **Gürrüň bolmak** eden bir etmişiň, ýazygyň üçin il agzyna düşmek, gybat üçin esas bolmak, masgara bolmak. *Ol bolgusyz hereketi bilen ile gürrüň boldy.* **Gürrüň çykmak** bir zat barasynda gürrüň ýaýramak, myş-myş döremek. **Gürrüňe gyzmak** edilýän gürrüňe pugta girişmek, gürrüňe keýpiň göterilmek. **Gürrüňi başga tarapa sowmak** edilýän gürrüňi başga ugra ugrukdyrmak, sowmak. **Gürrüňi bolmaz (ýok)** birinden bir zat haýyş edilende "hökman bitirerin" diýen manyda berilýän jogap, gaýtargy. **Gürrüňi çöpe-çalama urmak** kesgitli zat aýtmazlyk, bulaşdyrmak, ikuçly edip goýmak, gümürtik, bolgusyz gürlemek. **Gürrüňi näme?!** *ser.* **Gürrüňi bolmaz (ýok)**. **Gürrüňiň alyşmak** biri bilen ümmüldeşip gitmek, biri-biriňe oňat düşünişmek, gepiň alyşmak.

**GÜRRÜŇÇI** [gürrüňçü], *at.* Gürrüň etmäge ökde, gürrüň bermegi gowy görýän, gürrüňçil. *Ol örän gürrüňçi hem wäşi adamdy* ("Edebiýat we sungat").

**GÜRRÜŇÇIL** [gürrüňçül], *syp., ser.* **Gürrüňçi**. *Gürrüňçil ýigit.*

**GÜRRÜŇÇILIK** [gürrüňçülük], *at.* Köpçülik bolup üýşüp gürrüň etmeklik, köp bolup gürrüň edilýän ýer, gürrüň edip oturan köpçülik. *Kemine*

*agşamara egnine içmegini ýasgynjak atyp, goňşularyna gürrüňçilige ugraýar* (Keminäniň adyna aýdylýan şorta sözlerden).

**GÜRRÜŇDEŞ** [gürrüňdöş], *at.* Biri bilen bile gürrüň edişýän, gürrüňleşýän adam.

**GÜRRÜŇDEŞLIK** [gürrüňdöşlük], *at.* Bir mesele, iş hakynda pikir alyşmaklyk, biri bilen gürrüň edişmeklik.

**GÜRRÜŇLEŞIŞ** [gürrüňlöşüş], *iş ady.* Gürrüňleşmek ýagdaýy.

**GÜRRÜŇLEŞME** [gürrüňlöşmö], *iş ady.* Gürrüňleşmek ýagdaýy.

**GÜRRÜŇLEŞMEK** [gürrüňlöşmök], *işl.* Pikir alyşmak üçin gürrüň edişmek, özara gepleşmek, gürrüňdeş bolmak, sözleşmek.

**GÜRRÜŇLEŞMEKLIK** [gürrüňlöşmöklük], *iş ady.* Gürrüňleşmek ýagdaýy.

**GÜRRÜŇSIZ** [gürrüňsüz], *syp.* **1**. Gürrüňi ýok, gürrüňi edilmeýän. **2**. "Hakykatdan-da, hakykat ýüzünde, aýdylyşy ýaly, gepsiz-gürrüňsiz " diýen manydaky giriş sözi. *Munuň özi, gürrüňsiz, eseriň gowy tarapydyr*.

**GÜRS-GÜRS** [gürs-ğürs], *s. ş. aňl. söz.* Ýürek gürsüldäp uranda çykýan sesler.

**GÜRSÜLDEME** [gürsüllömö], *iş ady.* Gürsüldemek ýagdaýy.

**GÜRSÜLDEMEK** [gürsüllömök], *işl.* Gürs-gürs edip işlemek, gürsüldili seslenmek.

**GÜRSÜLDEMEZLIK** [gürsüllömözlük], *iş ady.* Gürsüldäp urmazlyk.

**GÜRSÜLDETMEK** [gürsüllötmök], *işl.* Ýüregiňi gürs-gürs etdirip urdurmak.

**GÜRSÜLDEÝIŞ** [gürsüllöýüş], *iş ady.* Gürsüldemek ýagdaýy.

**GÜRSÜLDÄBERMEK** [gürsüllävermek], *işl.* Gürsüldäp ugramak. *Bir zada gynandygym ýüregim gürsüldäberýär*.

**GÜRSÜLDI** [gürsüllü], *at.* Ýürek güýçli uranda, batly ýörelende emele gelýän ýürek urgusynyň sesiniň ady. *Ýürekleriniň gürsüldisinden başga zat eşidenokdy* (A. Nazarow).

**GÜRÜM-JÜRÜM**: **gürüm-jürüm bolmak** birden gözden ýitmek, ýitirim bolmak, zym-zyýat bolmak, nirä gideni belli bolman galmak. *Gürüm-jürüm boldy olar, Edil ýiten ýaly diri* (Ç. Aşyr). *Ejem meniň gürüm-jürüm bolanymy eşidip, howsala düşen eken* (A. Allanazarow).

**GÜRZELEK** [gürzölök]: **gürzelek sakgal** gür, gabarasy uly, gaba sakgal. *Ikinji hatarda oturan gürzelek sakgally garaýagyz adam hem söze goşuldy* (B. Pürliýew).

**GÜRZI** [gürzü], *at.* Gysga saply, togalak ujy diş-diş edilen söweş ýaragy. *Bu ýaýy we gürzini maňa beriň – diýdi. Alty perli gürzi bile depesine gaty urdy* ("Kitaby dädem Gorkut").

**GÜSBENT** [güsvent], *at, k. d.* Goýun. *Boz güsbent, gyr ýylky, gara gäwmişli, Argaly, gäw bolar maly Gürgeniň* (Magtymguly).

**GÜSSÜLDI** [güssüllü], *at.* Ýygnanan howanyň, buguň darajyk ýerden gysylyp çykmagyndan döreýän sesiň ady. *Otly ýöräp ugranda, onuň güssüldisi has hem artdy.*

**GÜSÜR**, *s. ş. aňl. söz.* Köp sanly guş birden uçan wagtynda çykýan ses.

**GÜSÜRDEME** [güsürdömö], *iş ady.* Güsürdemek ýagdaýy.

**GÜSÜRDEMEK** [güsürdömök], *işl.* Güsürdili ses çykmak, güsürdili seslenmek, güsür-güsür etmek. *Agaçda oturan guşlar güsürdäp uçdular.*

**GÜSÜRDEŞMEK** [güsürdöşmök], *işl.* Köp bolup güsürdäp uçmak, güsür-güsür edişip uçmak. *Jöwenlikleriň ýokarsynda serçe sürüleri güsürdeşip uçýardy.*

**GÜSÜRDETMEK** [güsürdötmök], *işl.* Güsür-güsür edip ses çykarmak, güsürdili seslendirmek.

**GÜSÜRDEÝIŞ** [güsürdöýüş], *iş ady.* Güsürdemek ýagdaýy.

**GÜSÜRDI** [güsürdü], *at.* Guşlar ganat kakyp birden uçan ýagdaýynda çykýan sesiň ady.

**GÜSÜR-GÜSÜR** [güsür-ğüsür], *s. ş. aňl. söz.* Köp sanly guş yzly-yzyna gürre ören wagtynda çykýan sesler.

**GÜT**, *s. ş. aňl. söz.* Bir zat başga bir zada batly urlanda, ýere gaçanda çykýan ses. *Elindäki düwünçeginiň içinde agyr zat bar bolara çemeli, ol ýere güt edip düşdi.*

**GÜTDÜLDEME** [gütdüllömö], *iş ady.* Gütdüldemek ýagdaýy.

**GÜTDÜLDEMEK** [gütdüllömök], *işl., ser.* **Gütlemek**. *Gütdüldäp çykýan ses*.

**GÜTDÜLDETMEK** [gütdüllötmök], *işl., ser.* **Gütletmek**.

**GÜTDÜLDEÝIŞ** [gütdüllöýüş], *iş ady.* Gütdüldemek ýagdaýy.

**GÜTDÜLDI** [gütdüllü], *at.* Bir zat bir ýere batly, zarply urlanda, gaçanda çykýan sesiň ady. *Ýekedabanyň gütdüldisi.*

**GÜTLEME** [gütülömö], *iş ady.* Gütlemek ýagdaýy.

**GÜTLEMEK** [gütülömök], *işl.* Güt edip bir ýere zarply degmek, bat bilen bir zada urulmak, gütdüldili seslenmek. *Çekiç agaja degip gütleýärdi, käte demre degip taňkyldaýardy* (B. Kerbabaýew).

**GÜTLETMEK** [gütülötmök], *işl.* **1**. Güt edip bir ýere zarply degirmek, bat bilen bir zada urmak, gütdüldili seslendirmek. *Daş ýaly gaty ýere dyzyny*

*gütledip urdy.* **2**. *göç.m.* Bir meseläni, soragy birden orta atmak. *Ol umumy ýygnakda bu meseläni gütledip goýdy*. **3**. *göç.m.* Güt edip batly basmak, urmak. *Tegelek möhüri gütledip urdy.*

**GÜTLEÝIŞ** [gütülöýüş], *iş ady.* Gütlemek ýagdaýy.

**GÜTÜRDEME** [gütürdömö], *iş ady.* Gütürdemek hal-ýagdaýy.

**GÜTÜRDEMEK** [gütürdömök], *işl.* Gütürdili seslenmek, gütür-gütür edip ses çykmak. *Gar ädigimiziň aşagynda gütürdeýärdi*.

**GÜTÜRDETMEK** [gütürdötmök], *işl.* Gütürdili ses çykarmak; gütür-gütür edip çeýnemek, iýmek, gemirmek. *Çagajyklar güýz ternesini gütürdedip gemirýärdi.*

**GÜTÜRDEÝIŞ** [gütürdöýüş], *iş ady.* Gütürdemek ýagdaýy.

**GÜTÜRDI** [gütürdü], *at.* Gaty zat gemrilende, iýlende, garyň üstünden ýörelende we ş.m. çykýan sesiň ady. *Garyň üstünden ýöräp gelýäniň aýak sesiniň gütürdisi eşidildi.*

**GÜTÜR-GÜTÜR** [gütür-ğütür], *s. ş. aňl. söz.* Gaty zat gemrilende, iýlende, garyň üstünden ýörelende we ş.m. çykýan sesler.

**GÜÝLÜNMEK** [güýlünmek], **1**. *işl.* El-aýaklaryny, kellesini döşüne tarap ýygryp, büküdip ýatmak, ýygrylmak, düýrülmek. *Oba itleri ýaly yssy wagty güýlünip, buz ýaly kölegede, sowuk wagty bolsa ýyly ketekde ýatjak gümany ýok* (B. Annageldiýew). **2**. Tegelenip, köke ýaly bolup ýatmak (ýylan hakda). *Kölegede ýylan güýlünip ýatyr.*

**GÜWÄ** [güwä:], *at.* Bir wakany gözi bilen gören, şonuň şaýady bolan adam, şaýat, tassyklaýjy. – *Ynha-da şaýadym! – diýip, Atalyny güwä tutundy* (N. Pomma).

◊ **Güwä geçmek** şaýat bolmak, şaýatlyk etmek, bir zady tassyklamak.

**GÜW**, *s. ş. aňl. söz.* Harasat gopanda, güýçli gara ýel turanda ýa-da äpet bir zat uçup geçende we ş.m. ýagdaýlarda çykýan ses, güwwüldi.

**GÜWÄÇI** [güwä:çi], *at.* Güwä geçýän adam.

**GÜWÄLIK** [güwä:lik], *at.* Bir wakanyň şaýady bolmaklyk, güwä geçmeklik, şaýatlyk. *Wezirleri güwälik beriberdiler* ("Görogly").

**GÜWÄNAMA** [güwä:na:ma], *at.* Biri ýa-da bir zat hakynda tassyklaýjy maglumat berýän, beýan edilýän zada güwä geçýän resminama.

**GÜW-GÜW** [güw-ğüw], *s. ş. aňl. söz.* Harasat gopanda, güýçli gara ýel turanda ýa-da äpet bir zat uçup geçende we ş.m. ýagdaýlarda yzly-yzyna çykýan sesler.

◊ **Güw-güw etmek** yzly-yzyna güwwüldäp ses çykmak, yzly-yzyna güwwüldemek. *Güw-güw edip, tolkunlaryň sesi eşidildi.*

**GÜWLEME** [güwlömö], *iş ady.* Güwlemek ýagdaýy.

**GÜWLEMEK** [güwlömök], *işl.* Güwläp ses etmek, güwwüldili seslenmek, güwwüldemek.

**GÜWLEMPAÇ** [güwlömpa:ç], *at.* **1**. Güwwüldi, şaggyldy. *Ýadawlykdan kelläm güwlempaç deý güwläp dur.* **2**. *göç.m.* Uly gürleýän, öwünýän, badyhowa (adam hakynda). *Güwlempaç adam.*

**GÜWLEŞMEK** [güwlöşmök], *işl.* Birnäçe zatdan güwwüldili sesler çykmak. *Uzakda atylýan toplaryň güwleşýän sesleri eşidilýärdi.*

**GÜWLETMEK** [güwlötmök], *işl.* Güwwüldili ses etdirmek, güwwüldili ses çykartmak. *Tüpeňi güwledip atmak*.

**GÜWLEÝIŞ** [güwlöýüş], *iş ady.* Güwlemek ýagdaýy.

**GÜWWÜLDEME** [güwwüllömö], *iş ady.* Güwwüldemek ýagdaýy.

**GÜWWÜLDEMEK** [güwwüllömök], *işl.* Güwläp ses etmek, güwwüldili seslenmek, güwlemek.

**GÜWWÜLDEŞMEK** [güwwüllöşmök], *işl.* Köp zat güwwüldili seslenmek, güw-güw etmek.

**GÜWWÜLDETMEK** [güwwüllötmök], *işl.* Güwwüldili seslendirmek, güwwüldäp ses çykar ýaly etmek.

**GÜWWÜLDEÝIŞ** [güwwüllöýüş], *iş ady.* Güwwüldemek ýagdaýy.

**GÜWWÜLDI** [güwwüllü], *at.* Örän uly maşyn we ş.m. hereket edende, tupan turanda, harasat gopanda eşidilýän, çykýan sesiň ady.

**GÜÝÇ**, *at.* **1**. Janly jandarlaryň özleriniň bedenleriniň kömegi bilen hereket etmäge bolan ukyby; işjeň hereket etmek üçin fiziki we ruhy mümkinçilik. *Güýç bilen iteklemek. Güýç toplamak. Güýjuň gitmek. Täze güýç bilen işe girişmek.* **2**. *fiz.* Maddy jisimlere täsir edýän kuwwat hem-de onuň intensiwlik, dartgynlylyk derejesi. *Güýç birligi. Toguň güýji.Agyrlyk güýji. Ýeliň güýji. Ýer titremesiniň güýji.* **3**. Bir zat öndürmeklige ýardam berip biljek ähli enjamlar hem-de hünärli adamlar. *Kärhananyň güýjüniň ýeterlik bolmagy ugrunda çalyşmak.* **4**. Başarnyk, gujur-gaýrat; kuwwat. *Öz güýjüňe daýanmak. Öz güýjüňe okuwa girmek. Iliň güýji – siliň güýji* (Nakyl). **5**. Täsir edijilik derejesi. *Dermanyň güýji bilen ýaşamak*. **6**. Harby birikmeler, ýaragly goşun. *Harby-howa güýçleri. Ýaragly güýçler.* **7**. Oglana dakylýan at.

◊ **Güýç bermek** güýçlendirmek, kuwwatlandyrmak, güýjüni artdyrmak. **Güýçden gaçmak** halys bolmak, hereket etmäge ýagdaýy bolmazlyk. **Güýç deňlemek** iki tarapyň hem güýji deň bolmak, deň gelmek. **Güýç goşmak** güýji artdyrmak, gurplandyrmak, güýç

birikdirmek. **Güýç sarp etmek** güýç goýmak. **Güýç synamak** bir işde öz ukybyňy, gaýratyňy, başarjaňlygyňy barlap görmek. **Güýç ýygnamak 1)** dynç almak, oňat iýmitlenip kuwwatlanmak. **2)** urşa taýýarlyk görmek, goşun toplamak. **Güýje girmek 1)** gurlup, salnyp gutaransoň, işläp başlamak. **2)** kanun, hököm ýaly zatlar doly kanuny bolmak. **Gara güýçler** adalatlylyga, parahatçylyga we adamlaryň rahat durmuşyna howp salýan täsirli güýçler. **Gara güýjüň bilen** eliňde, aýagyňda bar bolan beden güýjüni ulanmak arkaly. *Ol dikilgi pürsi gara güýji bilen itip ýykjak boldy.*

**GÜÝÇ-GAÝRAT** [güýç-ğaýra:t], *at.* Bar bolan ähli mümkinçilik, başarjaňlyk, kuwwat, gujur. *Men bu hormatly ady ödemek üçin bar güýç-gaýratymy döredijilik işine berdim.*

**GÜÝÇ-KUWWAT** [güýç-kuwwa:t], *at,ser.* **Güýç-gaýrat**.

**GÜÝÇLENDIRIJI** [güýşlönnürüjü], *at,teh.* Elektrik toguny güýçlendirmek üçin gural. *Güýçlendiriji transformator.*

**GÜÝÇLENDIRMEK** [güýşlönnürmök], *işl.* **1**. Güýjüne güýç goşmak, güýjüni köpeltmek, kuwwatlandyrmak. **2**. Öňki derejesinden artdyrmak, batlandyrmak. *Obalarda pagta ýygymynyň depginini gün-günden güýçlendirýärler.* **3**. Ýeriň hasyl berijiligini artdyrmak, mes etmek. *Arryk topragy dökün bilen güýçlendirmek gerek.*

**GÜÝÇLENIŞ** [güýşlönüş], *iş ady.* Güýçlenmek ýagdaýy.

**GÜÝÇLENME** [güýşlönmö], *iş ady.* Güýçlenmek derejesi. *Sesiň güýçlenmesi*.

**GÜÝÇLENMEK** [güýşlönmök], *işl.* **1**. Güýji, kuwwaty artmak, güýçli bolmak, güýji köpelmek, kuwwatlanmak. **2**. Barha güýji artmak, güýjäp başlamak, batlanmak, möwç almak. *Ýel barha güýçlenip barýardy*. **3**. Ýeriň hasyl berijiligi artmak.

**GÜÝÇLENMEKLIK** [güýşlönmöklük], *iş ady.* Güýçlenmek ýagdaýy.

**GÜÝÇLI** [güýşlü], *syp.* **1**. Tebigy güýji bilen tapawutlanýan. *Güýçli at.* **2**. Gowy ýaraglanan, goranyş we hüjüm ediş mümkinçiligi bilen tapawutlanýan. **3**. *teh.* Artykmaç kuwwata, güýje eýe bolan. *Güýçli traktor.* **4**. Uly täsirli, abraýly. *Güýçli adam*. **5**. Öz kesp-kärine, edýän isine örän ökde. *Güýçli alym.* **6**. Alkogoly köp bolup, täsir ediş derejesi ýokary. *Güýçli çakyr.* **7**. Ýokumly maddasy köp. *Güýçli naharlar näsagy aýak üstüne çalt galdyrdy.* **8**. Döküni köp düşen, mes (ýer hakda). *Güýçli toprak.*

**GÜÝÇLÜLIK** [güýşlülük], *at.* Güýji barlyk, güýçsüz dällik, güýji köplük, güýçli bolmaklyk. *Täze traktorlaryň güýçlüligi ýokary. Derýanyň akymynyň güýçlüligi*. *Topragyň güýçlüligi hasyldan görnüp dur.*

**GÜÝÇSÜZ** [güýşsüz], *syp.* **1**. Güýji bolmadyk, güýji ýok, kuwwatsyz, örän gowşak, mejalsyz. **2**. Berk däl, güýçli täsir etmeýän. *Onuň sözleriniň täsiri güýçsüzdi.* **4**. Ýokumsyz, ýokumy bolmadyk. *Güýçsüz nahar.* **5**. Arryk, hasyl bermeýän, hasylsyz, önümsiz (ýer hakynda).

**GÜÝÇSÜZLENDIRMEK** [güýşsüzlönnürmök], *işl.* Güýçden gaçyrmak, güýçden mahrum etmek, gowşatmak, tapdan düşürmek.

**GÜÝÇSÜZLENME** [güýşsüzlönmö], *iş ady.* Güýçsüzlenmek derejesi.

**GÜÝÇSÜZLENMEK** [güýşsüzlönmök], *işl.* Gowşamak, güýji gaçmak, tapdan düşmek.

**GÜÝÇSÜZLIK** [güýşsüzlük], *at.* Güýji ýokluk, güýçli dällik, güýji azlyk, güýçsüz bolmaklyk. *Ykdysady taýdan güýçsüzlik.Ýeliň güýçsüzligi. Hasyla ýeriň güýçsüzligi täsir etdi.*

**GÜÝDÜŞIK** [güýdüşük], *at.* Aňtap ahmalyna salyş, sapalak, göze çöp atyş.

**GÜÝDÜŞMEK** [güýdüşmök]: **göze güýdüşmek** biriniň gözüne çöp atmak, duýdurman, bildirmän zady almak, ogurlamak. *Göze güýdüşmek islän gurduň yzyny yzarlajak bolup durmady* (O. Ödäýew).

**GÜÝE** [güýö], *at.* Ýerligi ýüňden bolan zatlara zyýan beriji kiçijik kebelejik we onuň gurçugy.

**GÜÝJEME** [güýjömö], *iş ady.* Güýjemek ýagdaýy.

**GÜÝJEMEK** [güýjömök], *işl.* **1**. Güýji artmak, barha güýji köpelmek, gitdikçe güýçlenmek, möwç almak, batlanmak. *Bir salymdan barha güýjeýän ýel öwsüp başlady* (B. Seýtäkow). **2**. Beterlemek, erbetleşmek (kesel hakynda). *Otuz ýaşly Bethowen barha güýjeýän kerlik keseline uçraýar* ("Edebiýat we sungat").

**GÜÝJEŞMEK** [güýjöşmök], *işl.* Güýji artyşmak, güýji köpelişmek, dura-bara bady artyşmak.

**GÜÝJETMEK** [güýjötmök], *işl., gepl. d., ser.* **Güýçlendirmek**.

**GÜÝJEÝIŞ** [güýjöýüş], *iş ady.* Güýjemek ýagdaýy.

**GÜÝLDÜRMEK** [güýllürmök], *işl.* Malyň dört aýagyny bir ýere getirip daňdyrmak, güýlmek işini birine etdirmek.

**GÜÝLME** [güýlmö], *iş ady.* Güýlmek hereketi.

**GÜÝLMEK** [güýlmök], *işl.* **1**. Gyrkmak ýa öldürmek maksady bilen maly ýatyryp, dört aýagyny bir ýere getirip daňmak. *Gyrkymçylar goýunlary güýlüp gyrkyma başladylar.* **2**. El-aýagyny baglamak, daňmak.

**GÜÝLMEKLIK** [güýlmöklük], *iş ady.* Güýlmek ýagdaýy.

**GÜÝLÜGÇI** [güýlüğçü], *at.* Köpçülikleýin goýun gyrkylanda gyrkymça goýun güýlüp berýän adam.

**GÜÝLÜK** [güýlük], *at.* Goýun güýlmek üçin ulanylýan gysga ýüp. *Güýlük ýüp.*

**GÜÝLÜNGI** [güýlüngü], *syp.* Güýlünip goýlan. *Güýlüngi goýun*.

**GÜÝLÜNMEK** [güýlünmök], *işl.* Gyrkmak ýa-da öldürmek maksady bilen malyň dört aýagy bir ýere getirilip daňylmak. *Goýunlar we geçiler güýlündi.*

**GÜÝLÜŞ**, *iş ady.* Güýlmek ýagdaýy.

**GÜÝLÜŞMEK** [güýlüşmök], *işl.* Güýlmäge kömek etmek.

**GÜÝMEME** [güýmömö], *iş ady.* Güýmemek ýagdaýy.

**GÜÝMEMEK** [güýmömök], *işl.* Dürli sebäp, bahana we ş.m. zatlar bilen eglemek, ünsüni özüňe çekmek. *Meni mährem gülälekler güýmeýär, Tä gelýänçä ýüregimiň öz güli* (M. Seýidow).

**GÜÝMENIŞMEK** [güýmönüşmök], *işl.* Birnäçe bolup bir işe güýmenmek. *Döwekçiler öz işleri bilen güýmenişip, dünýäden bihabardylar* (A. Gowşudow).

**GÜÝMENJE** [güýmönjö], *at.* Güýmenmäge sebäp bolýan zat, wagt geçirmek üçin meşgullanylýan iş. *Indi hyrawa ekinler bütin maşgala güýmenje boldy* (N. Esenmyradow).

**GÜÝMENJELIK** [güýmönjölük], *syp.* Güýmenje bolar ýaly. *Maňa güýmenjelik bir gyzyklyrak kitap gerek. Ýola güýmenjelik bir zat almaly.*

**GÜÝMENJIREMEK** [güýmönjürömök], *işl.* Bir zada güýmenen bolmak, bir zat bilen meşgullanan bolmak.

**GÜÝMENJIREŞMEK** [güýmönjürөşmök], *işl.* Birnäçe bolup güýmenjiremek, bir zada dümtünmek. *Ine, şol otaglaryň birinde üç sany ýigit biderek zatlara ulaşyp, güýmenjireşip otyrdy* (G. Kulyýew).

**GÜÝMENMEK** [güýmönmök], *işl.* **1**. Bir iş bilen meşgul bolmak, bir zada dümtünmek. **2**. Wagt geçirmek, eglenmek. *Meňli köp güýmenip durman, küýzesini göterdi-de, ýola düşdi* (T. Taganow).

**GÜÝMEŇ-SAMAŇ** [güýmöň-sa:maň]: **güýmeň--samaň etmek** bir zat üçin eglenmek, az wagt saklanyp galmak, az wagt güýmenmek. *Şu ýerlerde biraz salym güýmeň-samaň ediberiň!* ("Edebiýat we sungat").

**GÜÝMEÝIŞ** [güýmöýüş], *iş ady.* Güýmemek ýagdaýy.

**GÜÝÜRDETMEK** [güýürdötmök], *işl.* Güýürdili ses çykarmak, güýürt-güýürt edip çeýnemek, iýmek. *Ýadaw atlar dürüşde oty güýürdedip çeýneýärdiler*.

**GÜÝÜRDI** [güýürdü], *at.* Mallar gaty iým iýende güýürdäp çykýan sesiň ady.

**GÜÝÜRT-GÜÝÜRT**, *s. ş. aňl. söz.* Käbir mallar gaty iým iýende çykýan sesler. *Güýürt-güýürt edip çeýnemek.*

**GÜÝZ**, *at.* Ýylyň üçünji paslynyň ady, tomus bilen gyşyň aralygyndaky pasyl. *Ýapraklaryň gaýyp gaçyşyndan güýzüň golaýlandygy aňylýardy.*

◊ **Güýz gyrkymy** gyrkymyň güýzki möwsümi. *Dowarlaryň güýz gyrkymy ýerlerde guramaçylykly geçirilýär.*

**GÜÝZEK** [güýzök], *syp., at, ser.* Üzümiň ikinji gezek getiren hasyly. *Güýzek üzüm. Güýzek çöplemek.*

**GÜÝZEKI** [güýzökü], *syp., ser.* **Güýzemik**. *Güýzeki terne. Güýzeki üzüm*.

**GÜÝZEME** [güýzömö], *iş ady.* Güýzemek ýagdaýy.

**GÜÝZEMEK** [güýzömök], *işl.* Güýz aýlary täzeden düwüp ugramak, güýzki hasyla durmak. *Üzümler irräk çyrpylansoň güýzäpdir*.

**GÜÝZEMEKLIK** [güýzömöklük], *iş ady.* Güýzemek ýagdaýy.

**GÜÝZEMIK** [güýzömük], *at.* Ekiniň güýz ýetişýän hasyly, güýzeki, güýzek. *Güýzemik gawun.*

**GÜÝZEÝIŞ** [güýzöýüş], *iş ady.* Güýzemek ýagdaýy, derejesi. *Üzümiň güýzeýşi*.

**GÜÝZKI** [güýzkü], *syp*. Güýz wagtyndaky, güýz paslyndaky, güýzdäki. *Oba güýzki gidişim*.

**GÜÝZLÜK**, *syp.* Güýz ekilýän (däne).

◊ **Güýzlük däne (bugdaý)** gyşyň öň ýanynda ekilýän bugdaý.

**GÜZ,** *s. ş. aňl. söz.* Maşyn ýörände ondan çykýan ses.

**GÜZAP** [güza:p], *at.* Beden we ruhy taýdan çekilýän kynçylyk; jebir-jepa, sütem-zulum, azap.

**GÜZAPLY** [güza:ply], *syp.* Kynçylykly, köp azap berýän, ejirli.

**GÜZAPLYK** [güza:plyk], *at.* Güzap ýagdaýy, kynçylyk. *Ýörejek ýoluňy bilmän, ýola çykmagyň özi bir güzaplyk.*

**GÜZER** [güzör], *at.* Suw akýan derýanyň, çaýyň, ýabyň we ş.m. mal-gara iner ýaly ýalpagrak ýeri, inelge, olum.

**GÜZERAN** [güzöra:n], *at.* Ykdysady ýaşaýyş, oňşuk, gün geçirme, eklenç, durmuş.

◊ **Güzeran görmek** zähmet çekip, ýaşaýyş durmuşyny aýlamak, gün görmek. *Ol awçylyk bilen güzeran görýär* (B. Gurbanow).

**GÜZERANÇYLYK** [güzera:nçylyk], *at.* Gün görmek, günüňi aýlamak, eklenç etmek, güzeranyňy dolamak. *Eklenç güzerançylygynda welin, biri-birine söýenişmek ýokdy* (A. Gowşudow).

**GÜZERLEMEK** [güzörlömök], *işl., gepl. d.* Bir işi bir ýüzli etmek, işi gutarmak. *Işimi güzerläp, oba gaýtdym.*

**GÜZ-GÜZ** [güz-ğüz], *s. ş. aňl. söz.* Maşyndan yzly-yzyna çykýan güzzüldili sesler. *Duran maşyn güz-güz edip, ýerinden gozgandy.*

**GÜZLEME** [güzlömö / güzülömö], *iş ady.* Güzlemek ýagdaýy.

**GÜZLEMEK** [güzlömök/güzülömök], *işl.* Güzzüldili seslenip, gaty ýöremek. *Bir maşyn güzläp geçip gitdi.*

**GÜZLEMEKLIK** [güzlömöklük / güzülömöklükl], *iş ady.* Güzlemek ýagdaýy.

**GÜZLEŞMEK** [güzlöşmök / güzülöşmök], *işl.* Birnäçe maşyn güzzüldili seslenip gaty gitmek. *Maşynlar güzleşip geçip gitdi.*

**GÜZLETMEK** [güzlötmök / güzülötmök], *işl.* Güzzüldili seslendirip, gaty sürmek (maşyn hakynda)

**GÜZLEÝIŞ** [güzlöýüş / güzülöýüş], *iş ady.* Güzlemek ýagdaýy.

**GÜZLÄBERMEK** [güzlä:vermek / güzülä:vermek], *işl.* Güzläp başlamak.

**GÜZÜRDEME** [güzürdömö], *iş ady.* Güzürdemek derejesi.

**GÜZÜRDEMEK** [güzürdömök], *işl., ser.* **Güzlemek**. *Maşyn deňimizden güzürdäp geçdi.*

**GÜZÜRDEMEKLIK** [güzürdömöklük], *iş ady.* Güzürdemek hereketi.

**GÜZÜRDEŞMEK** [güzürdöşmök], *işl.* Birden köp maşyn we ş.m. güzürdemek. *Güzürdeşip barmak*.

**GÜZÜRDETMEK** [güzürdötmök], *işl.,ser.* **Güzletmek**.

**GÜZÜRDEÝIŞ** [güzürdöýüş], *iş ady.* Güzürdemek ýagdaýy.

**GÜZÜRDI** [güzürdü], *at,ser.* **Güzzüldi**. *Bir güzürdi bar welin, maşyn gelýär öýdýän.*

**GÜZÜRT-GÜZÜRT**,*s. ş. aňl. söz.* Gapdalyňdan batly geçip barýan maşynlardan eşidilýän sesler.

**GÜZZÜLDEME** [güzzüllömö], *iş ady.* Güzzüldemek hereketi.

**GÜZZÜLDEMEK** [güzzüllömök], *işl.* Güzzüldili seslenip işlemek.

**GÜZZÜLDEŞMEK** [güzzüllöşmök], *işl.* Köpçülikleýin güzzüldili ses çykarmak.

**GÜZZÜLDETMEK** [güzzüllötmök], *işl.* Güzzüldili seslendirip işletmek.

**GÜZZÜLDEÝIŞ** [güzzüllöýüş], *iş ady.* Güzzüldemek ýagdaýy.

**GÜZZÜLDI** [güzzüllü], *at.* Uly agregatlar, maşynlar işlände çykýan sesiň ady.

**GÜZZÜL-GÜZZÜL** [güzzül-ğüzzül], *s. ş. aňl. söz.* Maşyna yzly-yzyna gaz berlende, uly agregatlar işlände döreýän ses.

**GYBAT** [gy:vat], *at.* **1**. Biri ýa-da bir zat hakynda anyk bolmadyk, düýbünden nädogry ýa-da toslanyp tapylan maglumatlara esaslanylyp ýaýradylýan gep. **2**. *Gybat* sözüniň yzyndan *etmek* kömekçi işligi gelip, täze manyly düzümli işlik ýasalýar: **Gybat etmek** gybat bilen meşgullanmak. *Gybat etmek ýek ýigrenilýän zatdyr*.

**GYBATÇY** [gy:vatçy], *at, ser.* **Gybatkeş**.

**GYBATÇYLYK** [gy:vatçylyk], *at.* **1**. *ser.* **Gybatkeşlik**. **2**. Gybat edilýän üýşmeleň, gybat edilýän ýer. *Onuň gybatçylykda görünmesi ýokdur.*

**GYBATKEŞ**, [gy:vatkeş], *syp.* Gybat edip ýören, gybatçy. *Kim zalym, gybatkeş, binamys bolsa, Onda niçe azap görer, har bolup* (Seýdi).

**GYBATKEŞLIK** [gy:vatkeşlik], *at.* Gybatkeş bolmaklyk, gybatkeşe has bolan gylyk-häsiýet.

**GYBYRDAMA** [gyvyrdama], *iş ady.* Gybyrdamak hereketi.

**GYBYRDAMAK** [gyvyrdamak], *işl.* **1**. Kiçi ädimläp ýöremek, gybyrt-gybyrt edip ýöremek. **2**. Gymyldamak (mör-möjek hakynda). *Ýagyrnymda bir zat gybyrdaýar.*

**GYBYRDAŞMAK** [gyvyrdaşmak], *işl.* **1**. Köp bolup gybyrt-gybyrt edip ýöremek. **2**. Gybyr-gybyr edişmek.

**GYBYRDAÝYŞ** [gyvyrdaýyş], *iş ady.* Gybyrdamak ýagdaýy.

**GYBYRDY** [gyvyrdy], *at.* Janly-jandarlaryň ýöreýiş aýratynlygy, gybyr-gybyr hereketi.

**GYBYRDYK-GYBYRDYK** [gyvyrdyk-ğyvyrdyk], *at, ser.* **Gybyr-gybyr**.

**GYBYRDYKLAMA** [gyvyrdyklama], *iş ady.* Gybyrdyklamak ýagdaýy.

**GYBYRDYKLAMAK** [gyvyrdyklamak], *işl.* Gybyrdyk-gybyrdyk edip ýöremek, kiçi ädim bilen çalt, gybyrt-gybyrt edip ýöremek. *Öýden gybyrdyklabrak ýöreýän orta ýaşlaryndaky adam çykdy* ("Edebiýat we sungat").

**GYBYRDYKLAŞMAK** [gyvyrdyklaşmak], *işl.* Birnäçe bolup bilelikde kiçi ädimläp, çalt ýöremek.

**GYBYRDYKLAÝYŞ** [gyvyrdyklaýyş], *iş ady.* Gybyrdyklamak ýagdaýy.

**GYBYR-GYBYR** [gyvyr-ğyvyr], *s. ş. aňl. söz.* **1**. Gysgajyk ädim bilen edilýän hereket. *Gybyr-gybyr edip, zordan onuň aýagyna eýerýärdiler* (B. Seýtäkow). **2**. Mör-möjekleriň gymyldysy, hereketi. *Ýagyrnymda garynja gybyr-gybyr edýär öýdýän.*

**GYBYRT-GYBYRT** [gyvyrt-gyvyrt], *s. ş. aňl. söz.,ser.* **Gybyr-gybyr**.

**GYÇYRDY**, *at*, *ser*. **Gyjyrdy**.

**GYÇYRT**, *s. ş. aňl. söz, ser.* **Gyjyrt**.

**GYÇYRT-GYÇYRT**, *s. ş. aňl. söz,* **Gyjyrt-gyjyrt**.

**GYDY-GYDY** [gydy-ğydy]: **gydy-gydy etmek** biderek, ýüregedüşgünç gürlemek, biderek gürläp irizmek.

**GYDYRAMAK**, *işl., ser.* **Gydyrdamak.** *Gydyrap gezeýin, büdüräp öleýin* (Atalar sözi).

**GYDYRDAMA**, *iş ady.* Gydyrdamak hereketi.

**GYDYRDAMAK**, *işl.* Azda-kände bir iş bilen meşgullanmak, başardygyňdan zähmet çekmek, ukybyňa, öz maýdalyňa, ýagdaýyňa görä işlemek.

**GYDYRDANMAK**, *işl.* Özüň gydyrdamak. *Garaz, gydyrdanyp ýörseň, toprak diýeniň bir bereketli zatdyr* ("Edebiýat we sungat").

**GYDYRDAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup gydyrdamak, gydyrdap işleşip ýörmek.

**GYDYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Gydyrdamak ýagdaýy.

**GYGYLDAMA** [gy:ğyllama], *iş ady.* Gygyldamak ýagdaýy.

**GYGYLDAMAK** [gy:ğyllamak], *işl.* Gygyldyly ses çykarmak, gyk-gyk etmek (käbir guşlar hakynda).

**GYGYLDAMAZLYK** [gyğyllamazlyk], *iş ady.* Gyk-gyk etmezlik.

**GYGYLDAŞMAK** [gy:ğyllaşmak], *işl.* Gygyldyly seslenişmek, gyk-gyk edişmek.

**GYGYLDATMAK** [gy:ğyllatmak], *işl.* Gygyldyly ses çykartmak.

**GYGYLDAÝYŞ** [gy:ğyllaýyş], *iş ady.* Gygyldamak ýagdaýy.

**GYGYLDY** [gy:ğylly], *at.* Käbir guşlaryň gyk-gyk edip çykarýan sesiniň ady.

**GYGYRAK** [gy:ğyrak], *syp.* Gygyrmaga endik eden, köp gygyrýan. *Gygyrak mal.*

**GYGYRDAMA** [gyğyrdama], *iş ady.* Gygyrdamak ýagdaýy.

**GYGYRDAMAK** [gyğyrdamak], *işl.* Demi gelmän gygyr-gygyr etmek, boglup zordan dem almak. *Ol gygyrdap, zordan iki agyz söz aýtdy.*

**GYGYRDATMAK** [gyğyrdatmak], *işl.* Bogazyndan bogmak, bogup demini zordan alar ýaly etmek.

**GYGYRDAÝYŞ** [gyğyrdaýyş], *iş ady.* Gygyrdamak ýagdaýy.

**GYGYRMA** [gy:ğyrma], *iş ady.* Gygyrmak ýagdaýy.

**GYGYRMAK** [gy:ğyrmak], *işl.* **1**. Kömege çagyrmak ýa-da bir zady jar etmek we ş.m. sebäpli gaty ses bilen batly geplemek. *Jarçy gygyrýardy.* **2**. Gaty ses bilen birine käýemek.

**GYGYRMAKLYK** [gy:ğyrmaklyk], *iş ady.* Gygyrmak ýagdaýy.

**GYGYRTMAK** [gy:ğyrtmak], *işl.* **1**. Gygyrmaga mejbur etmek, gygyrmagyna sebäp bolmak. *Ol çagany bijaý tutup gygyrtdy* (B. Kerbabaýew). *Adamyň gaharyny getirip, ýersiz ýere gygyrtmak nämä gerek?* **4**. Signal bermek, düýtdüldetmek. *Gelnalyjy gidenler maşynlaryny gygyrdyp geldiler.*

**GYGYRYŞ** [gy:ğyryş], *iş ady.* Gygyrmak ýagdaýy.

**GYGYRYŞMAK** [gy:ğyryşmak], *işl.* **1**. Birnäçe bolup gygyrmak, köp bolup birden seslenmek, ýerli-ýerden gykylyk edişmek. *Horazlar gygyryşýar.* **2**. Gaharyň gelip, biri-biriňe gygyrmak, gykylyklaşmak.

**GYGYRYŞMAZLYK** [gy:ğyryşmazlyk], *iş ady.* Gaharyň gelip, biri-biriňe gygyrmazlyk. *Gel, bir zat gepleşeli: gygyryşmalam, sögüşmälem* (H. Meläýew).

**GYJAK**, *at.* Kädisiniň ýüzüne ýary çekilen, üç kirişli, syhalyp çalynýan perdesiz saz guraly. *Sary bagşynyň tutuş nesline mahsus bolşy ýaly, Pürli aga hem dutara-da, gyjaga-da erk ederdi* ("Türkmenistan"). *Gyjak çalmak.*

**GYJAKÇY**, *at.* Gyjak çalýan sazanda. *Gyjakçy hem bagşynyň golaýynda durup, näme etmelidigini bilmeýän ýaly töwerek-daşyna äňedýärdi* (B. Seýtäkow).

◊ **Ýüzüňi gyjakçyň ýüzi ýaly etmek** gürrüňdeşiňe göwnüň ýetmän ýa-da onuň gürrüňine pisint etmän, äsgermezçilik bilen ýüzüňi kese-kese sowmak. *Näme, ýüzüňi gyjakçyň ýüzi ýaly edip otyrsyň?*

**GYJAKÇYLYK**, *at.* Gyjak çalýan sazandanyň käri, ýagdaýy. *Ol Sahy bagşynyň ýanynda gyjakçylyk edipdi.*

**GYJALAT** [gyja:lat], *at.* Eden hereketiň ýa-da başarmadyk zadyň ýüzüňe basylyp aýdylýan söz, gyjyt. *Öwez gyjalata çydap bilmedi* ("Görogly").

◊ **Gyjalat bermek** biriniň bir zady oňarmaýanlygy hakynda janyna deger ýaly söz aýtmak.

**GYJALATLY** [gyja:latly], *syp.* Gyjytly, teýeneli (söz hakynda). *Ejesiniň nämäni kakdyryp aýdýanyna düşünen Aýgül, oňa birhili gyjalatly garady* (B. Kerbabaýew).

**GYJAMAK**: **diş gyjamak** biri ýa-da bir zat barasynda ahmyr çekmek, gazaplanmak, gaty gaharlanmak. *Ol dişini gyjap gepledi* (H. Meläýew).

**GYJY-GYJY** [gyjy-ğyjy], *at.* Ýaz aýlarynda gögerýän ot.

**GYJYK**, *at.* Garny, böwri, aýagyň aşagyny başga biri gyjyklanda ýüze çykýan ten, beden duýgusy, gülkiňi tutduryjy täsir. *Gyjygyň tutmak. Gyjygyň gelmek.*

**GYJYKÇY**, *at.* Tenine degip-degmänkäň gyjygy tutup duran, gyjygy tutagan.

**GYJYK-GYJYK**, *at.* Gyjyklaman çaganyň gyjygyny tutdurmak, gyjygyny getirmek üçin aýdylýan söz.

**GYJYKLAMA**, *iş ady.* Gyjyklamak hereketi.

**GYJYKLAMAK**, *işl.* Başga biriniň, köplenç, garnynyň ýüzüni, dabanynyň aşagyny barmaklaryň bilen çala dyrmalamak.

**GYJYKLANMAK**, *işl.* Gyjygyny getirmek üçin gülki duýgusyna täsir edilmek, güler ýaly edilmek. *Tomaşaçylar içleri gyjyklanana dönüp gülüşdiler.*

**GYJYKLAŞMAK**, *işl.* Biri-biriňi gyjyklamak.

**GYJYKLATMAK**, *işl.* Gyjyklamaga mejbur etmek; gyjyklamagyna ýol bermek, mümkinçilik döretmek. *Özüňden kiçä-de aýagyň aşagyny gyjykladyp oturmak bolarmy?!*

**GYJYKLAÝYŞ**, *iş ady.* Gyjyklamak hereketi.

**GYJYNDYRMAK** [gyjynnyrmak], *işl.* **1**. Bir işi, hereketi ýerine ýetirmäge güýçli meýil döretmek. **2**. Gaharlandyrmak, gaharyny getirmek.

**GYJYNMA**, *iş ady.* Gyjynmak ýagdaýy.

**GYJYNMAK**, *işl.* **1**. Bir işi, hereketi ýerine ýetirmäge güýçli meýil döremek, hyjuw etmek. *Ýykylan pälwan gyjynyp galdy*. **2**. Gahar-gazaba münmek, ahmyrly hyjuwlanmak, gaharlanmak, öjükmek. *Ol jedelleşende gyjynyp başlardy*.

**GYJYNMAKLYK**, *iş ady.* Gyjynmak ýagdaýy.

**GYJYNYŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup gyjynmak. *Olar namysa galan ýaly gyjynyşyp otyrdylar.*

**GYJYRDAMA**, *iş ady.* Gyjyrdamak hereketi.

**GYJYRDAMAK**, *işl.* **1**. Gyjyrdyly ses çykmak, gyjyr-gyjyr etmek. *Onuň dişleri gyjyrdady*. **2**. *göç.m.* Sähel zada gaharlanmak, gaharyň gelmek, dişiňi gyjap çalt-çalt gürlemek.

**GYJYRDATMAK**, *işl.* Gyjyrdyly ses çykarmak, gyjyrt-gyjyrt etmek. *Men dişimi gyjyrdatdym-da, süýşeneklemäge başladym* ("Edebiýat we sungat").

**GYJYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Gyjyrdamak ýagdaýy.

**GYJYRDY**, *at,* Bir zat iýip otyrkaň iki dişiň arasyna düşýän gaty jisimden çykýan sesiň ady.

**GYJYRT**, *s. ş. aňl. söz*. Bir zat iýip otyrkaň iki dişiň arasyna düşýän gaty jisimden çykýan ses.

**GYJYRT-GYJYRT**, *s. ş. aňl. söz*. Bir zat iýip otyrkaň iki dişiň arasyna düşýän gaty jisimlerden çykýan sesler.

**GYJYT** [gy:jyt], *at, ser.* **Gyjalat**. *Sen kime gyjyt berýärsiň?*

**GYJYTLY** [gy:jytly], *syp.* Gyjalatly, igençli (söz hakynda).

**GYK** [gy:k], *at.* **1**. Gäwüş gaýtarýan haýwanlaryň öň iýen zadyndan gäwüşemek üçin ýaňadan agyz boşlugyna gaýtarýan bölegi. **2**. Esreýän erkegiň agzyndan çykýan köpürjik.

◊ **Gygy ajamak** gaharjaň bolmak, gödek ajy sözli bolup ugramak. **Gygyňy pürkmek** ýakymsyz söz aýtmak, ajy söz aýtmak.

**GYK-BAK** [gy:k-ba:k], *at.* Alagalmagal, zenzele, gopgun, yzan-da-çuwanlyk. *Aýal, oglan-uşagyň gyk-bagyndan, yzan-da-çuwanlygyndan ýaňa gulagyň kamata gelýärdi* (Ý. Mämmediýew).

**GYKDA-BAK** [gy:k-da-va:k], *at,ser.* **Gyk-bak**.

**GYKDA-BAKLYK** [gy:k-da-va:klyk], *at, ser.* **Gyk-bak**. *Sygyrlar örüden gelensoň, obanyň içi gyk-da-baklyk bolýardy.*

**GYK-GYK** [gy:k-gy:k], *s. ş. aňl. söz.* Käbir guşlar gygyranda çykýan ses.

**GYKUW** [gy:kuw], *at.* **1**. *ser.* **Gykylyk**. *Şagallaryň gykuwlary, olara bakan uzyn-uzyn üýrýän itleriň sesleri eşidildi* (B. Kerbabaýew). **2**. Geçýän durnalaryň owazlaşýan sesleri.

**GYKUWLAMA** [gy:kuwlomo], *iş ady.* Gykuwlamak ýagdaýy.

**GYKUWLAMAK** [gy:kuwlomok], *işl.* Gykuw etmek, gykylyklamak, alagykylyk etmek. *Gykuwlap möjegiň aldylar daşyn, Aňk bolup oturdy, syrtardyp dişin* (N. Pomma).

**GYKUWLAŞMAK** [gy:kuwloşmok], *işl.* Birnäçe bolup gykuwlamak. *Gykuwlaşyp, asmandan Durna gelýär ýurduma* (M. Seýidow).

**GYKUWLATMAK** [gy:kuwlotmok], *işl.* Gykuw etdirmek, gykuwlap gygyrtmak, gykylyklatmak.

**GYKUWLAÝYŞ** [gy:kuwloýuş], *iş ady.* Gykuwlamak ýagdaýy.

**GYKYLYK** [gy:kylyk], *at.* **1**. Gaty çykýan gykbak ses, galmagal, zenzele, gopgun, gykuw. **2**. *Gykylyk* sözüniň yzyndan *etmek* kömekçi işligi gelip, düzümli işlik ýasalýar: **Gykylyk etmek** edilýän, bolýan zatlar bilen ylalaşman, sesiňi batlandyryp gürlemek, galmagal etmek. *Paýlaşyp bilmeýän zadyň bar ýaly, gykylyk edip durmaň näme?*

◊ **Gykylyk gopmak** galmagal, gopgun turmak.

**GYKYLYKÇY** [gy:kylykçy], *syp.* Köp gykylyk edýän, galmagalçy, jenjelçi, gopgunçy.

**GYKYLYKLABERMEK** [gy:kylyklavermek], *işl.* Gykylyklap başlamak. *Ol birden gykylyklaberdi.*

**GYKYLYKLAMA** [gy:kylyklama], *iş ady.* Gykylyklamak ýagdaýy.

**GYKYLYKLAMAK** [gy:kylyklamak], *işl.* Gykylyk, galmagal etmek, zenzele, gopgun turuzmak. *Ol boguk sesi bilen gykylyklamaga durdy.*

**GYKYLYKLAMAZLYK** [gy:kylyklamazlyk], *iş ady.* Gykylyk etmezlik. *Gykylyklaman oturyň.*

**GYKYLYKLAŞMAK** [gy:kylyklaşmak], *işl.* **1**. Birnäçe bolup gykylyklamak. **2**. Biri-biriňe gaty gygyryp, hemleli bir zatlar aýtmak, diýmek. *Utanaňzokmy, ýöne gykylyklaşyp dursuňyz.*

**GYKYLYKLAÝYŞ** [gy:kylyklaýyş], *iş ady.* Gykylyklamak ýagdaýy.

**GYL**, *at.* Adamyň, haýwanyň derisiniň ýüzüne çykýan we sapaga çalym edýän sapak şekilli gatyja ösüntgi.

◊ **Gyly gyrylmadyk** heniz geýilmedik, heniz ulanylmadyk, örän täze. **Aradan gyl geçmezlik** *ser.* **Ara**.

**GYLAW** [gylow] **I**, *at.* **1**. Bişen gawunyň etiniň ýüzündäki ýukajyk sary gatlak. *Gawunyň gylawyny aýyr.* **2**. Daşa çalnyp ýiteldilen pyçagyň, päkiniň ýiti ýüzündäki tozgalap duran owunjak demir bölejikleri; päkiniň, pyçagyň ýiti ýüzi. **3**. Ýitije çigrek, iniňi tikenekledýän sowuk. *Howanyň gylawy bar.*

**GYLAW** [gylow] **II**, *at.* Bir işi, zady ýerine ýetirmek üçin isleg, höwes, meýil, hyjuw.

◊ **Gylaw almak** birinden ýa-da bir zatdan meçew beriji täsir ýetmek, meçewlendiriji täsir ýetmek. *Dogumlyja Maýsajyk öňki sözüniň ýer alanyna has*

*gylaw alyp, ýene gürlemäge başlady* (B. Annageldiýew). *Seniň kimden gylaw alýanyňy-ha bilemok weli, soňky wagtlarda bolup ýörşüň-ä birhiliräk görünýär.* **Gylaw bermek** götergilemek, meçew bermek, küşgürmek.

**GYLAWLAMA** [gylowlomo], *iş ady.* Gylawlamak ýagdaýy.

**GYLAWLAMAK** [gylowlomok], *işl.* **1**. Ýüzi gylaw almak, ýüzünde gylaw emele gelmek. *Çalnan päkiniň ýüzi gylawlady*. **2**. Bişip başlamak, suwy süýjemek. *Gawun ýaňy gylawlap başlapdyr.*

**GYLAWLANDYRMAK** [gylowlonnurmok], *işl.* Bir işi, zady ýerine ýetirmäge höweslendirmek, isleg, meýil döretmek; gylaw bermek, hyjuwlandyrmak. *Şatlykly habar ony täze ýeňişlere gylawlandyrdy.*

**GYLAWLANMAK** [gylowlonmok], *işl.* Bir işi etmäge ýa-da haýsydyr bir zada höweslenmek, gylawly bolmak. *Täzeden bäri sen okuwa gaty gylawlanyp başlapsyň.*

**GYLAWLY** [gylowly] **I**, *syp.* **1**. Gylawy bar bolan, gylaw emele gelen. *Seniň päkiň ýüzi gylawly.* **2**. Ýüzünde gylawy bolan, bişip başlan (gawun hakynda).

**GYLAWLY** [gylowly] **II**, *syp.* Bir işi, zady ýerine ýetirmäge islegi, meýli güýçli, höwesjeň, göwünjeň, hyjuwly. *Gylawly söweş küýsänler, Sagdagyn egri asanlar* ("Görogly").

**GYLAWLYLYK** [gylowluluk], *at.* Bir işi, zady ýerine ýetirmäge islegi, meýli barlyk, höwesjeňlik, göwünjeňlik.

**GYLÇY**, *syp.*, *gepl.d.* Ýaranjaňlyk edýän, ýaranjaň.

**GYLÇYK**, *at.* **1**. Arpanyň, bugdaýyň, arpaganyň we ş.m. däneleriniň, gabygynyň ujundaky dürterişip duran gyljymak püri. *Daýhanlar döwek goşup, dänäni gylçykdyr samandan saýlaýardylar.* **2**. Balygyň etindäki inçejik uzyn süňkjagazlar.

**GYLÇYKLY**, *syp.* Gylçygy bar. *Orakçylaryň penjesine agram berýän gylçykly towza bolsa bagt ýyldyzynyň şöhle syçratgysyna döndi* (B. Kerbabaýew). *Gylçykly balyk*.

**GYLÇYLLAŞMAK**, *işl.*, *gepl.d.* Biri bilen gözdençykgynç derejede ýakyn aragatnaşyk saklamak, gaty ýakynsyrap gatnaşmak. *Ol pylany bilen gaty gylçyllaşýar welin, beýle gatnaşygyň soňy bolaýsa näbileýin?*

**GYLÇYLYK**, *at, gepl.d.* Ýaranjaňlyk, ýalymsaklyk.

**GYLDYRGAN** [gyllyrğan], *at.* **1**. Käbir haşal otlaryň baldagynda, ýapragynda ösýän gyl ýaly tikenjikler. *Elime gyldyrgan çümdi*. **2**. Gumda bitýän iýilýän ot.

**GYLGUÝRUK** [gylğuýruk], *at.* Möwsümleýin uçup gelýän, guýrugy inçe, müçesi kiçiräk aw guşy. *Gyryljyk sesli, uçarman gylguýruklaryň ilkinji tapgyrlary agyp-dönýärdiler* (B. Gurbanow).

**GYL-GYMYR** [gyl-ğymyr], *at.* Gylyň owunjak bölekleri, gylyň gyryndylary.

**GYLJAGAZ** [gyljağaz], *at*. Kiçijik gyl.

**GYLLA**: **gylla ýary** bir zadyň deň ýary, ikiden bir bölegi.

**GYLLAK**, *syp.* Endamynda gyly kän , tüýlek, gylly. *Gyllak adam.*

**GYLLAKLYK**, *at.* Endamy tüýleklik, gyllylyk.

**GYLLAMA**, *iş ady.* Gyllamak ýagdaýy.

**GYLLAMAK**, *işl.* Geçiniň sütüginden çöpürini saýlamak, düýe ýüňüniň irimçigini saýlap aýyrmak. *Egriljek ýüňi gyllamak.*

**GYLLAÝYŞ**, *iş ady.* Gyllamak işi.

**GYLLY**, *syp.* **1**. *ser.* **Gyllak**. *Begenjiň gözüne onuň gylly barmaklary rula gelişmeýän ýalydy* (B. Kerbabaýew). **2**. Gyly bar bolan, gyly gowy aýrylmadyk. *Diwana geldi işikden, Gözläp durdy deşikden, Diwana bir suw beriň, Gara gylly meşikden* (Küştdepdi).

◊ **Gylly kelle** (*gepl. d.*) gelin. *Genjim beg diýen ogly, ýanyna bir gylly kelle getirilip öýlendirilenden soň, öz ugruna dünýä bilen mübtela bolup gidiberdi* ("Görogly").

**GYLLYK**, *at.* Agyz boşlugyndan süýgüp çykýan sülekeý, suwuklyk, hyllyk. *Agzyndan gyllygy akyp, kellesiniň aşagyna goýan telpeginiň biraz ýerini öl-myžžyk etdi* (O. Ödäýew).

◊ **Gyllygyny akdyryp ýörmek** özüni oňarman ýörmek, başarnyksyz bolmak.

**GYLLYLYK**, *at,ser.* Gyly barlyk.

**GYLTAMA**, *iş ady.* Gyltamak ýagdaýy.

**GYLTAMAK**, *işl.* Çala degip geçmek, gyltyz degmek, sydyrdyp geçmek.

**GYLTAÝYŞ**, *iş ady.* Gyltamak derejesi.

**GYLTYM**, *at.* Ýerden ýaňy saýlanan gyrtyç, sähelçe ösen ot. *Bu günler goýunlar gyltyma kowalaşýardylar*.

◊ **Gyltyma kowalaşmak** ýaňy dürterip ugran ota çapmak, ýykgyn etmek, öwrenmek.

**GYLTYZ**, *syp.***1**. Kemter, çalaja. *Taýak oňa gyltyz degdi.***2**. Kelte, gysga. *Odun ýüpüm gyltyz geldi.*

◊ **Gyltyz kakmak 1)** çala ýetmezlik. **2)** çala degmek, kemter gaýtmak.

**GYLTYZRAK** [gyltyzyra:k], *syp.* **1**. Bolmalysyndan has kemterräk, gysgarak. *Mataň gyltyzrak geldi.* **2**. Ýeter-ýetmez, çala. *Görogly munuň hem ýagyrnysyndan naýzany gyltyzrak ýetirip kowup barýar* ("Görogly").

**GYLYÇ**, *at.* **1**. Polatdan ýasalýan uzyn egri, bir ýüzli sowuk ýarag. **2**. *dokm.* Kilim, dolak ýaly zatlar dokalanda argajy kakmak üçin agaçdan ýasalan senet, gural. **3**. Oglana dakylýan at.

◊ **Gylyçdan geçirmek** gylyç bilen çapyp öldürmek, bir ýanyndan gylyç bilen gyrmak.

**GYLYÇLAMA** [gylyşlama], *iş ady.* Gylyçlamak ýagdaýy.

**GYLYÇLAMAK** [gylyşlamak], *işl.* Gylyç bilen urmak, gylyç bilen çapmak, gylyç salmak. *Ol ýodajygyň iki gyrasyna dikilen çybyklary gylyçlap barýardy.*

**GYLYÇLANMAK** [gylyşlanmak], *işl.* Gylyç bilen çapylmak, gylyç salynmak.

**GYLYÇLAŞMAK** [gylyşlaşmak], *işl.* Biri-biriňe gylyç salmak.

**GYLYÇLATMAK** [gylyşlatmak], *işl.* Gylyçlamaga mejbur etmek, gylyçlamagy başga birine buýrup etdirmek.

**GYLYÇLAÝYŞ** [gylyşlaýyş], *iş ady.* Gylyçlamak ýagdaýy.

**GYLYK**, *at.* Adamyň özüni alyp barşynda ýüze çykýan has durnukly ruhy häsiýeti, häsiýet. *Biri baý bolupdyr diýseler ynan, beg bolupdyr diýseler ynan, gylygy üýtgäpdir diýseler ynanma* (Atalar sözi).

**GYLYKDAŞ**, *syp.* Birmeňzeş gylykly, häsiýetleri meňzeş.

**GYLYK-HÄSIÝET** [gylyk-hä:sýet], *at.* Adamyň özüni alyp barşynda ýüze çykýan ruhy özboluşlyklaryň jemi. *Ahal-teke bedewleri bolsa, hakykatdan hem, tebigatyň adama eçilen aýratyn sowgadydyr, ol sazlaşyklylygyň, gözelligiň hem-de wepalylygyň ähli gylyk-häsiýetlerini özünde jemleýär* ("Türkmenistan").

**GYLYKLY**, *syp.* Belli bir gylyga, häsiýete eýe bolan. *Ol hoş gylykly, alçak ýigit*.

**GYLYKSYZ**, *syp.* Gylygy gowy däl. *Gylyksyz adam.*

**GYLYM**, *at.* Edilýän hereket, boluş, edim-gylym, özüňi alyp baryş. *Olar erbet gylymlary bilen hemmelere bellendiler.*

**GYLYNMAK**, *işl., gepl.d.* Bir zada ýetmäge ymtylmak, gowurak iş ornuny we ş.m. eýelemegiň arzuwynda bolmak. *Wezipä gylynmak. Baýraga gylynmak.*

**GYLÝAL** [gylýa:l], *at.* Atlaryň ähli jynsyny öz içine alýan umumy ady. *Tohum gylýallarymyz üçin athana saldyrdyk* (A. Gowşudow).

**GYLÝALÇY** [gylýa:lçy], *at.* Gylýalçylyk bilen meşgullanýan adam. *Gylýalçylar oňat aladalar netijesinde dünýäde iň oňat tohum gylýallary döretdiler.*

**GYLÝALÇYLYK** [gylýa:lçylyk], *at.* Maldarçylygyň pudagy hökmünde gylýal ösdürip ýetişdirmeklik. *Tapylan süňkler gylýalçylygyň hem düýedarçylygyň ösdürilendigine şaýatlyk edýär* ("Mugallymlar gazeti").

**GYMMAT**, *at.* **1**. Öndürilen harydyň düşýän bahasy. **2**. *syp*. Hakyky nyrhyndan ýokary, arzan däl. *Gymmat haryt.* **3**. Bir zadyň gowulygy, artykmaçlygy. *Göwher daşyn ýüzük etseň mis bile, Gymmaty egsilmez, hormat ýagşydyr* (Magtymguly). **4**. *ser*. **Gadyr-gymmat**. **5**. Gyza dakylýan at.

**GYMMATBAHA**, *syp.* Bahasy gymmat, köp pula durýan, örän bahaly. *Bu goýunlaryň iň gymmatbaha, gowy ak ýüňi bolýar. Gymmatbaha metal.*

**GYMMATÇYL**, *syp.* Zady öz bahasyndan gymmat satýan, ýokary baha bilen satýan. *Gymmatçyl adam.*

**GYMMATÇYLYK**, *at.* Zatlaryň bahasynyň gymmat boluş ýagdaýy, nyrhy, bahasy ýokarylyk. *Gymmatçylyga garşy göreşmek üçin önüm öndürilişini ýokarlandyrmaly.*

**GYMMATLAMA**, *iş ady.* Gymmatlamak derejesi.

**GYMMATLAMAK**, *işl.* Öňki bahasyndan nyrhy ýokarlanmak, bahasy artmak, nyrhy galmak.

**GYMMATLAMAKLYK**, *iş ady.* Gymmatlamak ýagdaýy.

**GYMMATLAMAZLYK**, *iş ady.* Bahasy ýokary galmazlyk.

**GYMMATLAŞMAK**, *işl.* Bahasy, nyrhy öňküsinden birneme ýokarlanmak, bahasy kem-kemden ýokary galmak, gymmatlap ugramak.

**GYMMATLATMAK**, *işl.* Bahasyny, nyrhyny öňküsinden galdyrmak, bahasyny köpeltmek, nyrhyny artdyrmak.

**GYMMATLAÝYŞ**, *iş ady.* Gymmatlamak derejesi. *Harytlaryň gymmatlaýşy*.

**GYMMATLY**, *syp.***1**. Ähmiýetli, peýdaly, wajyp. *Gymmatly maslahat*. *Gymmatly teklip*. *Gymmatly söz*. **2**. *göç.m.* Gadyrly, söýgüli, arzyly. *Sen meniň üçin ähli dostdan gymmatly.*

◊ **Gymmatly wagt** iň ähmiýetli, peýdaly, gerekli pursat.

**GYMMATLYK**, *at.* **1**. *ser.* **Gymmatçylyk**. **2**. *syp*. Gymmatly zat, hadysa. *Medeni gymmatlyklar. Maddy we ruhy gymmatlyklar.*

**GYMPAÝ**, *syp.* Bir gözüniň ýokarky gabygy gözüniň üstüne bürelip, gözüni çala açyp seredýän, bir gözi gypygrak. *Gympaý adam.*

**GYMPAÝLYK**, *at.* Gympaýyň ýagdaýy, bolşy.

**GYMŞAMAK**, *işl.*, *kön.s., ser.* **Gymyldamak 1**.

**GYMŞAŞMAK**, *işl.*, *ser.* **Gymyldaşmak 1**. *Süründiler il barysy eňşeşip, Pyganyndan daglar, daşlar gymşaşyp, Asman joşa geldi, zemin gowşaşyp, Bulutlar durdular nala, Seýidi!* (Zelili).

**GYMŞATMAK**, *işl.*, *ser.* **Gymyldatmak**. *Çagajyk ukynyň arasynda ýylgyrýar we dodaklaryny gymşadýar-da, ýene uka gidýär.*

**GYMYLDAMA** [gy:myllama], *iş ady.*Gymyldamak hereketi.

**GYMYLDAMAK** [gy:myllamak], *işl.* **1**. Eýläk-beýläk gozganmak, hereketlenmek. *Goja*

*sallançakda gymyldan Nazarjyga seretdi* (H. Meläýew). **2**. *gepl.d.* Azda-kände işlemek, zähmet çekmek. *Şoldur-şol, bir kärde gymyldap ýörün.* **3**. Çala ýöräp ugramak, ýerinden gozganmak, hereketlenmek, gyrmyldamak. *Araba ýuwaşlyk bilen gymyldap ugrady*.

**GYMYLDAMAKLYK** [gy:myllamaklyk], *iş ady.* Gymyldamak ýagdaýy.

**GYMYLDAŞMAK** [gy:myllaşmak], *işl.* **1**. Birnäçe zat gymyldamak, köp bolup gymyldamak, hereketlenmek. **2**. *gepl.d.* Özünden basga birnäçe adam bilen bile bir zada meşgullanmak, bir işe güýmenmek. *Bizem güýjümiziň ýetdiginden gymyldaşan bolup ýörüs.*

**GYMYLDATMAK** [gy:myllatmak], *işl.* Bir zady çala hereketlendirmek (yrgyldatmak, ýerinden gozgamak).

**GYMYLDAÝYŞ** [gy:myllaýyş], *iş ady.* Gymyldamak hereketi.

**GYMYLDY** [gy:mylly], *at.* **1**. Bir zat gymyldanda (çala hereketlenende, gozgananda, togalananda) emele gelýän hereketiň ady. **2**. Başyňy çaramaklyk, işläp günüňi görmeklik, özüňi oňarmaklyk; – *Girim-çykym nähili? Taplar ýagşymy? – Aý, bir gymyldy bar*.

**GYMYL-GYMYL** [gy:myl-ğy:myl], *s. ş. aňl. söz.* Çala gymyldanylanda emele gelýän hereket. *Gymyl-gymyl etmek.*

**GYMYRSAMA**, *iş ady.* Gymyrsamak ýagdaýy.

**GYMYRSAMAK**, *işl.* Köpçülik bolup hereket etmek, ýöremek, topar bolup bir ugra barmak (köplenç, ownuk mör-möjekler hakynda). *Hiniň töwereginde garynjalar gymyrsaýardylar.*

**GYMYRSAÝYŞ**, *iş ady.* Gymyrsamak ýagdaýy.

**GYMYRSY**, *at.* Köpçülikleýin edilýän hereket, gymyldy, başly-baratlyk. *Birinji tüpeň sesi çykan badyna, ibirt-de zibirtlik başlanyp, obanyň içi gymyrsy boldy* (A. Gowşudow).

**GYMYZ**, *at.* Baýtal süýdünden taýýarlanýan çal. *Gazak dostum maňa gymyz berdi.*

**GYN** [gy:n], *at.* Pyçagyň, gylyjyň tygyna laýyk edilip, gaýyşdan we ş.m. zatdan edilýän gap, gylap.

◊ **Gyn ýaly** dar, syrlaşyp duran. *Onuň jalbarynyň gonjy edil gyn ýalydy.*

**GYNALMAK** [gy:nalmak], *işl.* Sütem edilmek, süteme, jebre sezewar edilmek.

**GYNAMA** [gy:nama], *iş ady.*Gynamak hereketi.

**GYNAMAK** [gy:namak], *işl.* **1**. Sütem, zorluk etmek, jebir, azap çekdirmek, süteme sezewar etmek. **2**. Azar bermek, janyny ýakmak, ezýet bermek, ynjytmak.

**GYNAMAKLYK** [gy:namaklyk], *iş ady.* Gynamak ýagdaýy.

**GYNANÇ** [gy:nanç], *at.* Agyr ýitgi, şowsuzlyk we ş.m. zerarly döreýän gaýgyly duýgy, gam, gussa. *Sen asyl öz gynanjyňy menden näme üçin gizlediň?*

◊ **Gynanç bildirmek** biriniň gynanjyna duýgudaşlyk bildirmek.

**GYNANÇLY** [gy:nanyşly], *syp.* Gynanç döredýän. *Gynançly habar.*

**GYNANDYRMAK** [gy:nannyrmak], *işl.* Birinde gynanç döretmek, ýüregini awutmak. *Bolan waka ýaman gynandyrdy.*

**GYNANDYRYJY** [gy:nannyryjy], *syp.* Gynanç dörediji, ýürek awudyjy.

**GYNANJAŇ** [gy:nanjaň], *syp.* Sähel zada gynanýan, ýüregi awaýan, nebsi agyrýan. *Gynanjaň adam.*

**GYNANJAŇLYK** [gy:nanjaňlyk], *at.* Gynanjaň adamyň häsiýeti, gynanmak gylygy.

**GYNANMA** [gy:nanma], *iş ady.* Gynanmak ýagdaýy.

**GYNANMAK** [gy:nanmak], *işl.* **1**. Bir zat sebäpli ýüregiň awamak, nebsiň agyrmak, gynanç döremek. **2**. Bir zada ökünmek, ahmyr etmek. *Otludan galanyma gynanybam durmadym*.

**GYNANMAKLYK** [gy:nanmaklyk], *iş ady.* Gynanmak ýagdaýy.

**GYNANYŞ** [gy:nanyş], *iş ady.* Gynanmak ýagdaýy, derejesi. *Gynanyşy gaty ýaly-la?!*

**GYNANYŞMAK** [gy:nanyşmak], *işl.* Bile gynanmak, birnäçe bolup gynanmak. *Gynanyşyp, köp arman çekip galdylar* ("Görogly").

**GYNATMAK** [gy:natmak], *işl.* Gynamak katdyna ýetirtmek.

**GYN-GYSSAG** [gy:n-ğyssağ]: **gyn-gyssag görmezlik** kynçylyk görmezlik. *Ol gyn-gyssag görüp ýaşan adam däldir.*

**GYŇAÇ** [gy:ňaç], *at.* **1**. Durmuşa çykan türkmen aýal maşgalalarynyň başyna ýa-da börügine oraýan uzyn üçburç ýaglygy. *Haty gyňajynyň ujuna düwdi*. **2**. Başa atylýan, oralýan owadan gülli ullakan ýüň ýaglyk, şabrama ýa-da pişigöýme.

**GYŇAÇLYK** [gy:ňaşlyk], *syp.* Gyňaç üçin niýetlenen, gyňaç eder ýaly, gyňaç bolar ýaly (mata). *Gyňaçlyk mata.*

**GYŇAJUJY** [gy:ňaju:jy], *at.* Gyňajyň ýaşynylýan çowunyň ujuna berkidilip, börüge ildirilýän, ujy ildirgiçli ýasyja kümüş şaý, ýaşmagujy.

**GYŇAK**, *at.* Çöregiň gyrasynyn gatyrak bişen kitirdewük ýeri. *Çöregiň gyňagy.*

**GYŇRA**, *syp., ser.* **Gyňyr**. *Gyňra adam.*

**GYŇRALMA**, *iş ady.* Gyňralmak ýagdaýy.

**GYŇRALMAK**, *işl.* **1**. Azm urmak, dazarylmak, herrelmek. *Ahyrsoňy gyňralmaly boldy*. **2**. Gyňyr bolmak, hyrsyzlanmak, gaharly seretmek. *Ol gyňralyp seretdi.*

**GYŇRALYŞ**, *iş ady.* Gyňralmak derejesi.

**GYŇYR**, *syp.* Ýüzi agyr, hyrsyz, yzgytsyz, gyňra.

**GYŇYRLYK**, *at.* Gyňyr gylyk-häsiýetlilik, hyrsyzlyk, yzgytsyzlyk, gyňralyk. *Ol gyňyrlyk bilen gelnine seretdi-de çykyp gitdi* (B. Gulow).

**GYP**: **gyp basmak** birden gamça basmak, ýüzin salmak, aýak aldygyna çapdyryp gitmek. *Pälwan aga başyny gutaryp bilse razy, atyny münüp gyp basdy* (S. Annasähedow).

**GYP-GYRMYZY**, *syp.* Öte gyrmyzy, has gyrmyzy. *Gyp-gyrmyzy gyňaç.*

**GYP-GYZYL**, *syp.* Dym-gyzyl, öte gyzyl, gaty gyzyl. *Gyp-gyzyl alma.*

**GYPJYK**, *syp.* Sähel bir hereket üçin gypjynyp duran, tisginmekden, gypjynmakdan öwrendekli bolan, gypjynagan. *Gypjyk at.*

**GYPJYKLYK**, *at.* Gypjyga mahsus bolan gylyk-häsiýet. *Onuň gypjyklygy aýrylandyr.*

**GYPJYNDYRMAK** [gypjynnyrmak], *işl.* **1**. Bedeniňe agram salyp agyrtmak, bijaý hereket edip, bir ýeriňi agyrtmak. *Biliňi gypjyndyrmak*. **2**. Urjak ýaly edip, biriniň gözüni gyrp-gyrp etdirip tisgindirmek, tisgindirip gorkuzmak.

**GYPJYNMA**, *iş ady.* Gypjynmak ýagdaýy.

**GYPJYNMAK**, *işl.* **1**. Bedeniň bir ýerine agram düşüp agyrmak. *Onuň bili gypjynypdyr.* **2**. Salganýan zat bir ýeriňe deger öýdüp, gözüňi gyrp-gyrp edip tisginmek, gorkup tisginmek. *"Öňüňden alaja-mulaja pişik çyksa gorkjakmy?" diýende, jigisi:"Ýok" diýip, pert jogap beren dessine dogany iki elini onuň ýüzüne golaýladyp, çapak çaldy weli, ol tisginip, gözlerini gypanyny duýman galdy* (Halk döredijiligi).

**GYPJYNYŞ**, *iş ady.* Gypjynmak ýagdaýy.

**GYPJYNYŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup gypjynmak, bilelikde gypjynmak.

**GYPMA**, *iş ady.* Gypmak ýagdaýy.

**GYPMAK**, *işl.***1**. Köplenç, bir gözüňi çalt ýumup açmak arkaly birine yşarat etmek; gabaklary çalt hereketlendirmek. *Ol göz gypyp, ýyljyraklap gepledi.* **2**. *ser*. **Gyrpmak 2**. *Eşek gulagyny gypyp, kürresine topuldy.*

**GYPMAKLYK**, *iş ady.* Gypmak hereketi.

**GYPYK**, *syp.* **1**. ser. **Gympaý**. **2**. Gulaklary ýapyrylyp duran (mal hakda). *Gulagy gypyk eşek.*

**GYPYNÇ**, *at.* Birinden edilýän ätiýaç, howatyr, gorky-ürki.

◊ **Gypynç etmezlik** birinden ýa bir zatdan çekinmezlik, gorkmazlyk, howatyr etmezlik. *Seýdi handan hiç hili gypynç etmän, batyrgaý jogap beripdir* (N. Pomma).

**GYPYRTMAK**, *işl.*, *gepl., d.* Bir ýan ujundan kesip, ýatyryp ugramak, pürrelemek. *Sen näme mekgejöweni gypyrdyp, barýarsyň?* (A. Gowşudow).

**GYPYRYŞ**, *iş ady.* Gypyrmak ýagdaýy.

**GYPYŞ**, *iş ady.* Gypmak ýagdaýy.

**GYPYŞMAK**, *işl.* **1**. Biri-biriňe göz gypmak. *– Sen ony al, men muny – diýip, göz hem gypyşdy*. **2**. Gulaklary ýapyrmak, ýapyryşmak (at, eşek hakynda). *Atlar gulaklaryny gypyşyp, suwly bedrä topuldylar.*

**GYR I**, *at.* Takyr, çöl, alaň bolup uzalyp gidýän daşlyk, çägelik ýer. *Günortan yssy çagynda, Düşdüler ýalazy gyrda* (M. Seýidow).

◊ **Gyryň daşy ýaly** örän köp, bol, çendanaşa kän (köplenç, bakja ekinleri hakda). *Ekinler başyna gören ýaly bitipdir, garpyzymyz dagy gyryň daşy ýaly* (N. Esenmyradow).

**GYR II**: **gyr duşman** biri-birine öçli, baryp ýatan duşman, tüýs duşman. **Gyr kakyny (jyny)** *ser*. **Gyr-jyn, Gyr-kakyn**. *Olaryň gyr jyny ýolbarslaryň çagalarymyş* (O. Ödäýew).

**GYR** [gy:r], *syp.* Çalymtyl reňkli. *Watan üçin çykdym gyr at üstüne, Tä janym çykynça dönmenem, begler!* (Seýdi).

**GYRA**, *at.* **1**. Bir zadyň üst tekizligini çäklendirýän çeti, erňegi, töweregi. *Gyrasyny gör-de, bizini al, Enesini gör-de, gyzyny al* (Atalar sözi). **2**. Giňişlik bilen baglanyşykly zatlaryň ýakasy, kenary. *Deňziň gyrasy. Şäheriň gyrasy. Tokaýyň gyrasy*. **3**. Yz, yz tarap; çet.

**GYRADEŇ**, *syp.* Hemmesiniň boýy, derejesi deň, bir meňzeş, birsydyrgyn.

**GYRADEŇLIK**, *at.* Hemmesiniň boýy, derejesi deňlik, bir meňzeşlik, kybapdaşlyk, birsydyrgynlyk. *Zähmete hak tölenende gyradeňlik bolup bilmez, her kimiň gazanjy işleýşine görädir*.

**GYRADOLAW** [gyradolow], *at.* Haly we haly önümleriniň iki gyrasyndaky bäş-alty erşiň daşyna uzynlygy boýunça saralýan gök, ýaşyl ýa-da gara ýüp.

**GYRAGARA** [gyrağara], *at.* **1**. Keçäniň gyrasyndaky on-on bäş santimetr çemesindäki gara zolak. **2**. Tarada dokalýan matalaryň gyrasyna goýberilýän bir-iki santimetr çemesindäki gara, ýaşyl çyzmyk.

**GYRA-GYRMA** [gyra-ğyrma], *syp.* Erňegine çenli dolan, püre-pür, dos-doly, gyrma-gyrat.

**GYRAK-BUJAK** [gyrak-bu:jok], *at.* Bir zadyň çeti, gyrasy, gapdaly, eýlesi-beýlesi. *Olaryň hyýaly gyrak--bujagrakdan habar tutup gaýtmakdy* (Ý. Mämmediýew).

**GYRAKLATDYRMAK**, *işl.* Gyraklatmak işini birine etdirmek.

**GYRAKLATMAK**, *işl.* Işden, wezipeden we ş.m. çetleşdirmek.

**GYRAKY**, *syp.* Haýsydyr bir ýeriň gyrasyndaky, çetindäki. *Gyraky tam*.

**GYRAN**, *syp.*, *gepl. d.*, *ser.* **Gyrgyn**. *Kyrk ýyl gyran gelse, içinde ajally öler* (Atalar sözi).

◊ **Gyrana bermek 1)** bir ýanyndan köpçülikleýin gyrmak, öldürmek. **2)** *göç.m.* gülşükli sözler aýdyp, köp adamy gaty güldürmek, gyzylgyran bolup güler ýaly etmek. *Ol gyzykly hem gülküli gürrüňleri bilen diňläp oturanlary gyrana berip otyrdy.* **Gyran alan (almyş)**"gyrlyp tükenesiňiz" diýen manyda ulanylýan gargyş sözi. **Gyran degen (degmiş)** *ser.* **Gyran alan (almyş)**.

**GYRAN** [gyra:n], *at.* Tümeniň ondan birine barabar kümüş pul birligi. *Sanadylar jyňňyrdadyp gyrany, Küde gyran haýran etdi göreni* (B. Kerbabaýew).

**GYRAN-JYRAN** [gyra:n-jyra:n]: **gyran-jyrana salmak** *ser.* **Gyran-jyran etmek**. **Gyran-jyran etmek** dyr-pytrak etmek, başly-barat dargatmak, hersini bir ýana kowmak. *Öňünden çykan towşanlary kowalap, gyran-jyran edipdir* (A. Soltanmyradow).

**GYRASARY** [gyrasa:ry], *at.* Aýal-gyzlaryň tarada dokaýan keteni, sowsany we ş.m. matalarynyň gyrasyndaky sary, ýaşyl zolak. *Onda keteniniň gyrasarysy, Ýada salýar çopantelpek gülleri* (M. Seýidow).

**GYRAT** [gyra:t], *syp.* Bir zada has ýakyn, has golaý. *Ýorunjany ýere gyrat edip ormaly*.

**GYRATLAMA** [gyra:tlama], *iş ady.* Gyratlamak ýagdaýy.

**GYRATLAMAK** [gyra:tlamak], *işl.* **1**. Haýsydyr bir ýere golaýlamak, ýakynlamak. *Gün Köpetdagyň beýik gerşine gyratlapdy* (A. Gowşudow). **2**. Belli bir wagta laýyklamak. *Gijä galaryn öýtmediňmi, edil otlyň ugrajak wagtyna gyratlap gelýäň!?*

**GYRATLAÝYŞ** [gyra:tlaýyş], *iş ady.* Gyratlamak işi.

**GYRAW** [gyrow], *at.* Ir ertiriň ümürliräk sowuk howasynda sowan ýeriň, otuň, çöp-çalamlaryň üstüne düşüp, ýukajyk ak örtük emele getirýän gar tozgajyklary görnüşindäki ygal. *Ýere gyraw düşüpdir.*

◊ **Gyraw düşen ýaly bolmak** agarmak, çalarmak. *Saç-sakgalyň-a gyraw düşen ýaly bolupdyr*.

**GYRAWLAMA** [gyrowlomo], *iş ady.* Gyrawlamak ýagdaýy.

**GYRAWLAMAK** [gyrowlomok], *işl.* **1**. Ýüzünde, üstünde gyraw emele gelmek. *Agaçlaryň ýapraklary gyrawlapdyr.* **2**. *göç.m.* Saç-sakgaly agaryp başlamak, çalarmak. *Sakgaly gyrawlamak*.

**GYRAWLAMAZLYK** [gyrowlomozluk], *iş ady.* Gyraw örtügi emele gelmezlik.

**GYRAWLATMAK** [gyrowlotmok], *işl.* Gyraw emele getirmek.

**GYRAWLAÝYŞ** [gyrowloýuş], *iş ady.* Gyrawlamak ýagdaýy.

**GYRÇABERMEK** [gyrça:vermek], *işl.* Gyrçap ugramak; gyrçamagy dowam etdirmek. *Bol, piliňi al-da gyrçaber*. *Ýabyň içini şeýt-de ýadaýançaň gyrçaber*.

**GYRÇALMAK**, *işl.* **1**. Suw geçýän ýabyň içi gyrlyp arassalanmak, hapasy gyrlyp aýrylmak. *Suw akýan ýap gyrçaldy. Ýeriň çaýry gyrçalyp aýryldy.* **2**. Ýiti zat bilen ownuk böleklere bölünmek, kerçelmek. *Gyrçalan ýorunja*.

**GYRÇAMA**, *iş ady.* Gyrçamak işi.

**GYRÇAMAK**, *işl.* Ýabyň ýa-da bir ýeriň ot-çöpüni, üstki gatlagyny pil we ş.m. zatlar bilen gyrmak, gyryp aýyrmak. *Haşal otlary gyrçap aýyrdyk*.

**GYRÇAMAKLYK**, *iş ady.* Gyrçamak ýagdaýy.

**GYRÇAMAZLYK**, *iş ady*. Gyrçamak işini etmezlik, ýerine ýetirmezlik. *Heniz ýaby gyrçamandyk*.

**GYRÇAŞDYRMAK**, *işl.* Gyrçap gutarmak, yzly-yzyna gyrçamak, gyrçap çykmak. *Ýaplary gyrçaşdyrmak.*

**GYRÇAŞMAK**, *işl.* **1**. Gyrçamak işini bile etmek, bilelikde gyrçamak. *Adamlar ýaplary gyrçaşyp ýördüler*. **2**. Gyrçamaga kömek etmek. *Ýaşula mellegindäki çaýyrlary gyrçaşdym.*

**GYRÇATMAK**, *işl.* Gyrçamak işini birine etdirmek; gyrçamaga ýol bermek, mümkinçilik döretmek. *Ýaby gyrçadyp arassalatmak. Ýorunjany gyrçatsaň, şony menem oňarjak ahyry.*

**GYRÇAÝYŞ**, *iş ady.* Gyrçamak täri.

**GYRÇUW**, *syp*. Gysga gyrkylan. *Ol güri gara sakgalynyň ujuny çyrpyp, gyrçuw edipdir* (A. Gowşudow).

◊ **Gyrçuw sakgal** gaýçy bilen gyrkylyp gysgaldylan, gyradeň edilip, gyrkylan gysgajyk sakgal. *Gyrçuw sakgally adam.*

**GYRÇYLDAMA** [gyrçyllama], *iş ady.* Gyrçyldamak ýagdaýy.

**GYRÇYLDAMAK** [gyrçyllamak], *işl.* At ýaly haýwanlar gatyrak ot, bede iýende gyrçyldyly ses çykmak.

**GYRÇYLDATMAK** [gyrçyllatmak], *işl.* Gyrçyldyly ses çykarmak. *At oty gyrçyldadyp iýýärdi.*

**GYRÇYLDAÝYŞ** [gyrçyllaýyş], *iş ady.* Gyrçyldamak derejesi.

**GYRÇYLDY** [gyrçylly], *at.* At ýaly haýwanlar gatyrak ot, bede iýende çykýan sesiň ady.

**GYRÇYM**: **gyrçym bolmak** azrak ösmek, ele ilip ugramak, gyrçamaga, ormaga ýaramak (ot, ýorunja we ş.m. hakynda). *Ýorunja gyrçym bolupdyr.*

**GYRÇYMA**, *at.* Güýz aýlarynda ýorunjanyň iň soňky gowy ösüp bilmedik ýüzi; ýaňy boý alyp ugran ot. *Gök gyrçyma ülpüldäp otyrdy*.

**GYRDAMA**, *iş ady.* Gyrdamak ýagdaýy.

**GYRDAMAK**, *işl.* Büdür-südür ýerini gyryp düzlemek, ýonup ýylmamak, gyryp tekizlemek. *Ussa ýasaýan çanakdyr okaralarynyň gyralaryny gyrdap goýupdyr.*

**GYRDAMAZLYK**, *iş ady.* Gyryp düzlemezlik, ýonup ýylmamazlyk.

**GYRDAŞDYRMAK**, *işl.* Büdür-südür ýerlerini gyrdap düzleşdirmek, ýonup ýylmaşdyrmak. *Tümüň agzynyň käbir göwnüne ýaramadyk ýerlerini gyrdaşdyryp ýylmamaga, taraş bermäge durdy* (A. Gowşudow). *Pil sapyny aýna döwügi bilen gyrdaşdyrmak.*

**GYRDAŞMAK**, *işl.* Gyrdamak işini bile ýerine ýetirmek, bilelikde gyrdamak, gyrdamaga kömek etmek.

**GYRDATMAK**, *işl.* Gyrdamak işini başga birine etdirmek. *Eýeriň gaşyny gyrdatmak.*

**GYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Gyrdamak işi.

**GYRDY**, *at.* Alçy we eşek taraplary sürlüp ýylmanan aşyk.

**GYRDYRMAK I**, *işl.* Gyrmaga mejbur etmek, köpçülikleýin öldürtmek; gyrylmagyna sebäp bolmak, ýol bermek. *Az sanly gymmat baha goşuny biderek gyrdyrmagyň näme manysy bar* (B. Kerbabaýew).

**GYRDYRMAK II**, *işl.* **1**. Içiniň etini gyrgyç bilen aldyrmak (gawun, garpyz we ş.m. hakynda). *Gawun gyrdyrmak.* **2**. Ýüzüniň büdür-südür ýerlerini düzletmek, ýüzüni ýondurmak. *Dutaryň gapagyny gyrdyrmak.* **3**. Sesiňi gyrylmak katdyna ýetirmek. *Gygyryp sesiňi gyrdyrmak.* **4**. Oty owunjak edip çapdyrmak, kesdirmek. *Ýorunja gyrdyrmak.* **5**. Edil üstünden gaýdyrmak, gyratlap geçirmek. *Uçarlar tokaýy gyrdyryp uçýardylar* (B. Kerbabaýew).

**GYRGY** [gyrğy], *at.* Meleräk reňkli, çüňki egri, laçynlar maşgalasyndan bolan uly bolmadyk ýyrtyjy guş. *Gyrgy jüýjäni alyp, ýokary göterildi.*

◊ **Gyrgy gören serçä dönmek** gorkup dyr-pytrak bolup gaçmak. *Gyrgy gören serçä döndi duşmanlar, Goşun batly üstlerine inende* (A. Kekilow).

**GYRGYÇ** [gyrğyç], *at.* **1**. Gawunyň, garpyzyň, kädiniň we ş.m. içini gyrmak üçin ulanylýan, gyralary ownuk dişli, çemçä meňzeş, poslamaýan demirden ýasalan gural. **2**. Bir, üç ýa-da dört gapdaly ownuk we iri dişli gök önüm gyrmak üçin aşhanada ulanylýan demir enjam.

**GYRGYN** [gyrğyn] **I**, *at, lukmanç.* Köpçülikleýin häsiýetli ýokanç kesel, gyran.

◊ **Gyrgyna bermek 1)** ölüme sezewar etmek. *Şasepit agyr ýygnyny gyrgyna berip, özi zordan gaçyp gutuldy* ("Görogly"). **2)** *göç.m.* adamlary gaty gülüşdirmek, güldürip kese ýykmak. *Ol her hili toslama gürrüňleri bilen oturanlary gülüşdirip gyrgyna berdi.* **Gyrgyna salmak** gyran-jyran etmek, horlamak, heläkçilige sezewar etmek.

**GYRGYN** [gyrğyn] **II**: **gyrgyn suw** ýata şor suwuň ýüzüne ýygnanýan süýji suw.

**GYRGYNÇYLYK** [gyrğynçylyk], *at.* Köpçülikleýin ölüm-ýitim, köpçülikleýin gyrylmaga sebäp bolýan ýagdaý.

**GYRGYZ** [gyrğyz], *at,ser.* **Gyrgyzlar**.

**GYRGYZLAR** [gyrğyzlar], *at.* Gyrgyzystanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**GYR-JYN**, *at.* "Ýigreneni, ýigrendigi" ýaly many aňladyp, birinji, ikinji we üçünji ýöňkemelerde ulanylýar. *Onuň gyr-jyny ýylandy, görse ugry gaçardy.*

**GYR-KAKYN**, *at.* Ýek ýigrenýän zady, myrryh görýäni.

**GYRKDYRMAK** [gyrykdyrmak], *işl.* Gyrkmak işini başga birine etdirmek. *Sürüdäki goýunlaryňy gyrkdyrmak.*

**GYRK-GYRK**, *s. ş. aňl. söz.* Gark bolup barýan adamyň çykarýan sesi.

◊ **Gyrk-gyrky sanamak** gark bolup başlamak, gark bolmak.

**GYRKMA** [gyrykma], *iş ady.* Gyrkmak ýagdaýy.

**GYRKMAK** [gyrykmak], *işl.* **1**. Ýüňi, saçy we ş.m. zatlary gaýçy, gyrkylyk bilen kesip aýyrmak. *Ol sakgalyny gyrkyp azaltdy* (A. Durdyýew). **2**. Üznüksiz süýkeşmek, degip hereket edip durmak netijesinde ýolmak, gyrmak. *Arabanyň arşy golgaýşyny gyrkypdyr.*

**GYRKMAKLYK** [gyrykmaklyk], *iş ady.* Gyrkmak ýagdaýy.

**GYRKMAZLYK** [gyrykmazlyk], *iş ady.* Gaýçy, gyrkylyk bilen kesmezlik.

**GYRKYBERMEK** [gyrkyvermek], *işl.* Gyrkyp ugramak; gyrkmagy dowam etdirmek. *Kagyzy şu ýerinden gyrkyber. Matany öňki edişiň ýaly şeýt-de gyrkyber.*

**GYRKYLMAK**, *işl.* Ýüň, saç we ş.m. zatlar gaýçy, gyrkylyk bilen kesilip aýrylmak. *Goýunlar öz wagtynda gyrkylyp, meýdana sürüldi.*

**GYRKYLYK**, *at.* Goýun, geçi we ş.m. mallaryň ýüňüni gyrkmak üçin ulanylýan uzyn sally demir gaýçy. *Gyrkylyk bilen goýun gyrkmak.*

**GYRKYM**, *at.* Goýun-guzy gyrkylýan wagt, möwsüm.

**GYRKYMÇY**, *at.* Gyrkym döwründe dowar gyrkýan adam; gyrkym işinde işleýän adam.

**GYRKYNDY** [gyrkynny], *işl., ser.* **Gyýkyndy**. *Ol bende haýsy bir demriň gyrkyndysyny eline alsa-da, ol gopuz bolup saýrap durandyr* (N. Pomma).

**GYRKYNMAK**, *işl.* Gyrkmak işini özüň ýerine ýetirmek, özüň üçin gyrkmak.

**GYRKYŞDYRMAK**, *işl.* **1**. Gyrkyp çykmak, gyrkyp gutarmak. **2**. Çyrpyp, kesip çykmak, çyrpyşdyrmak. *Hoşgeldi ýaş üzümiň biderek çybyklaryny gaýçysy bilen gyrkyşdyryp goýberýärdi* (A. Gowşudow).

**GYRKYŞMAK**, *işl.* **1**. Gyrkmaga kömek etmek. *Çopanlara goýun gyrkyşmak.* **2**. Gyrkmak işini bile etmek. *Çopan bilen çoluk goýun gyrkyşyp durdular.*

**GYRKYTMAK**, *işl.* Käbir ýiti: talh, turşy, ýympyk tagamly zatlary iýeniňde bokurdagyňda biynjalyk ediji täsir duýmak. *Beýini bir dişläp ýuwutdym weli, bokurdagymy gyrkytdy.*

**GYRLYK**, *syp.* Giden gyr bolup ýatan ýer.

**GYRLYM**, *at.* Bir zat berilýän, satylýan ýerde emele gelýän basa-baslyk, dyknyşyk, itnişik, gyrlyşyk.

◊ **Gyrlym bermek (bolmak)** bir zat üçin basga düşmek. *Mallaryň guýularyň başynda gyrlym berýäni onuň gözüniň öňünden gitmeýärdi* (B. Kerbabaýew).

**GYRLYŞDYRMAK**, *işl.* Iki tarapy biri-birine öjükdirip uruşdyrmak. – *Adamlara gep berip, näme, gyrlyşdyrjak bolýarmyň?*

**GYRLYŞMAK**, *işl.* **1**. Iki tarap bolup uruşmak, biri-biriňi öldürmek, ölüşmek. **2**. *göç. m.* Bir zat üçin basga düşmek, gyrlym bermek.

**GYRLYŞYK**, *at.***1**. Bir zat üstünde biri-biriň bilen urşup gyrlyşmaklyk, ölşük. **2**. *göç. m.*, *ser.* **Gyrlym**. *Harydyň gaty gowy bolsa, üsti gyrlyşyk bolaýýar*.

**GYRMAK I**, *işl.* Hemmesini öldürmek, tutuşlygyna ýok etmek, öldürip çykmak.

**GYRMAK II**, *işl.***1**. Bir zadyň büdür-südür ýerini ýonmak, ýylmamak, gazap aýyrmak. *Polady berk paltany gyryp gutarmak aňsat iş däl* (B. Kerbabaýew). **2**. Bir zady kesmek, gyrkmak, gyrkyp aýyrmak. *Her syrymdan soň darak kakyp, her iki syrymdan hem çitim gyrýardylar* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Üzmek, ýolmak, ýok etmek. *Möýüň kerebini gyrmak.* **4**. Ýüzündäki hapasyny, kesmegini we ş.m. zatlaryny aýyrmak. *Çorbanyň ýüzüne çykan köpükleri gyryp aýyrmak.* **5**. Bölek-bölek edip kesmek, çapmak, kerçemek. *Ýorunjany gyryp, goýna berseň gowy iýýär*. **6**. Belli bir sebäbe görä sesiňi boguk çykarmak. *Sowuk suw sesini gyrypdyr.*

**GYRMAKÖWÜŞ**, *at.* Galyň gaýyşdan tikilen aşagy galyň, ökje tarapy beýik, burny ýasy köwüş.

**GYRMALAMA**, *iş ady.* Gyrmalamak ýagdaýy.

**GYRMALAMAK**, *işl.* Gabyň erňegine çenli doldurmak, püre-pür etmek, gyra-gyrma etmek. *Sygryň diňe ertirki sagymy bedräni gyrmalady*.

**GYRMALANMAK**, *işl.* Gyra-gyrma edilmek, erňegine çenli doldurylmak. *Çelek suwdan gyrmalandy.*

**GYRMALATMAK**, *işl.* Gyrmalamak işini başga birine etdirmek. *Bedräni süýtden gyrmalatmak.*

**GYRMALAÝYŞ**, *iş ady.* Gyrmalamak ýagdaýy.

**GYRMANÇA**, *at.* Akar suwuň ýa-da sil suwunyň özi bilen getiren çäge görnüşli çökündisi.

**GYRMANÇALY**, *syp.* Gyrmançasy bar bolan, gyrmança basan. *Köljagazyň gyrmançaly kenary guşlardan doludy.*

**GYRMYLDABERMEK** [gyrmylla:vermek], *işl.* Gyrmyldap ugramak.

**GYRMYLDAMA** [gyrmyllama], *iş ady.* Gyrmyldamak ýagdaýy.

**GYRMYLDAMAK** [gyrmyllamak], *işl.* Örän haýal ýöremek, ýuwaş hereket etmek. *Gyrmyldan gyr aşar (Nakyl). Jaňly paýtunlar köçelerde garynja ýaly gyrmyldaýardy* (B. Kerbabaýew).

**GYRMYLDAŞMAK** [gyrmyllaşmak], *işl.* Birnäçe bolup gyrmyldap ýöremek.

**GYRMYLDAÝYŞ** [gyrmyllaýyş], *iş ady.* Gyrmyldamak hereketi.

**GYRMYLDY** [gyrmylly], *at.* Ýuwaş hereket, örän çala ýöreýiş. *Öňümizde bir gyrmyldy peýda boldy.*

**GYRMYL-GYRMYL** [gyrmyl-ğyrmyl], *s. ş. aňl. söz.* Ýuwaş ýörelende emele gelýän haýal hereket. *Gyrmyl-gyrmyl edip ýöremek*.

**GYRMYZY**, *syp.* **1**. Goýy gyzyl reňkli. *Gyrmyzy keteni köýnek*. **2**. Gyza dakylýan at.

◊ **Gyrmyzy don** erkek adamlaryň erşiniň köpüsi gyzyl, argajy sap gyzyl hem-de gyzgylt sary, gara, ak sapaklardan zol-zol çyzmykly edilip, tarada dokalan ýüpek matadan içliklenip tikilýän daşky dony.

**GYRNAK**, *at, taryh.* **1**. Alamançylyk netijesinde ýesir alnan aýal-gyz. **2**. Barjamly adamlaryň gapysynda öý hyzmatkäri hökmünde saklanan aýal, öýdençer. *Gurban baýyň gapysynyň, Gyrnagydy Garagöz gyz* (R. Seýidow). **3**. *göç. m.* Aýal-gyzlar kemsidilip aýdylýan söz. *Sem bol, gyrnak!*

**GYRNAKBAG** [gyrnakba:ğ]], *at.* Ýüp, bag bir çalnyp, ikinji gezek çalnanda daňynyň diňe bir tarapy halkaly baglanýan görnüşi.

**GYRNAKLYK**, *at,* Gyrnagyň ýagdaýy, gyrnak bolup ýaşamaklyk.

**GYRNAKSAÇ**, *at.* Ýaz aýlarynda gögerýän baldagy inçejik haşal ot.

**GYRPA**, *syp.* **1**. Sähel zada tisginýän, ziňkildeýän, gypjyk. **2**. Gözüni gyrp-gyrp edýän, gözi gyrpyldap duran.

**GYRPAJAKLATMAK**, *işl.* Gözüňi gyrp-gyrp edip durmak, yzly-yzyna gyrpyp durmak. *Ol kiçiräk gözlerini gyrpajakladyp, Wepa baka dikdi* (A. Gowşudow).

**GYRPAK**, *at.* Suwuň ýüzündäki doňan ýukajyk buzly gatlak. *Suwuň ýüzündäki gyrpagyny aýyrmak.*

**GYRPAKLAMA**, *iş ady.* Gyrpaklamak ýagdaýy.

**GYRPAKLAMAK**, *işl.* Ýüzi çala doňmak, gyrpak emele gelmek, ýukajyk buz bilen örtülmek. *Gyrpaklan suw.*

**GYRPAKLAŞMAK**, *işl.* Kem-kemden gyrpak baglamak, gyrpaklap ugramak, gyrpak baglamak.

**GYRPAKLATMAK**, *işl.* Gyrpak emele getirmek. *Gijeki aýaz suwy gyrpakladypdyr.*

**GYRPAKLAÝYŞ**, *iş ady.* Gyrpaklamak ýagdaýy, täri.

**GYRPALYK**, *at.* Gyrpa ýagdaýda bolmaklyk, gypjyklyk.

**GYRP-ÇYRP**: **gyrp-çyrp etmek 1)** kem-käsleýin kesmek, az-owlak gyrkyp aýyrmak. *Men hem şu töwerekde agaçlaryň artykmaç şahalaryny gyrp-çyrp edeýin.* **2)** *göç.m.* köp zadyň ujundan ile görkezmän, az-azdan almak, az-owlak ýonmak.

**GYRP-GYRP**, *s. ş. aňl. söz.* Gözüňi çalt-çalt açyp-ýumup duranyňda emele gelýän şekil.

**GYRPMA** [gyrypma], *iş ady.* Gyrpmak ýagdaýy.

**GYRPMAK** [gyrypmak], *işl.* **1**. Gabaklaryny hereketlendirip, gözüni açyp-ýummak. **2**. Gulaklaryny yzyna ýatyrmak, ýapyrmak (at, eşek hakynda). *Gyr at agzyny açyp, gulagyny gyrpyp topuldy* ("Görogly").

**GYRPMAKLYK** [gyrypmaklyk], *iş ady.* Gyrpmak hereketi.

**GYRPYK**, *at.* Ýaş guzynyň gytyk tüýli derisi, ýaramazja bagana.

**GYRPYLDAMA** [gyrpyllama], *iş ady.* Gyrpyldamak ýagdaýy.

**GYRPYLDAMAK** [gyrpyllamak], *işl.* **1**. Gyrp-gyrp etmek, gözüň çalt açylyp-ýumlup durmak. *Gözleri bir gezek süzülýärdi, bir gezek giňden açylyp, ýygy-ýygydan gyrpyldaýardy* (B. Seýtäkow). **2**. *ser.* **Lyrpyldamak**. *Çyralar gyrpyldap ýanýardy*.

**GYRPYLDAŞMAK** [gyrpyllaşmak], *işl.* Birnäçe bolup gözlerini gyrp-gyrp etmek .

**GYRPYLDATMAK** [gyrpyllatmak], *işl.* Gözüňi birsyhly açyp-ýumup durmak, üznüksiz gyrp-gyrp etmek. *Ol kiçijik gözlerini çalt-çalt gyrpyldatdy*.

**GYRPYLDAÝYŞ** [gyrpyllaýyş], *iş ady.* Gyrpyldamak hereketi.

**GYRPYLDY** [gyrpylly], *at.* Gabak gyrpyldanda, açylyp-ýumlanda emele gelýän hereketiň ady.

**GYRPYNMAK**, *işl.* Gabagyňy gyrp-gyrp etmek, gyrpmak.

**GYRPYŞ**, *iş ady.* Gyrpmak ýagdaýy.

**GYRPYŞMAK**, *işl.* Biri-biriňe göz gypyp yşarat etmek, göz gypyşmak, garşylykly göz gypmak. *Gyzlar göz gyrpyşyp gülüşdiler.*

**GYRRA**: **gyrra ýalan** düýbünden ýalan, bütinleý ýalan. *Gyrra ýalandan uly ili bilen aglap oturybersin* ("Görogly").

**GYRRARTMAK**, *işl.* Ylgaşlap kowmak, baran ýerinden derrew çykarmak. *Sakjy ekine giren geçileri eline taýak alyp, derrew gyrrardyp kowdy.*

**GYRT-GYRT**, *s. ş. aňl. söz.* Towşan, owlak-guzy we ş.m. ot, iým iýende çykýan ses. *Towşanjyk gyrt-gyrt edip käşir iýýärdi.*

**GYR-TUTUŞ**, *syp.*, Örän jet, ters, oňşuksyz, erre-de-teşe. *Olar biri-biri bilen hemişe gyr-tutuş.*

**GYR-TUTUŞLYK** [gyr-tutuşluk], *at.* Jetlik, terslik, oňşuksyzlyk, erre-de-teşelik.

**GYRTYÇ**, *at.* Ýaz aýlarynyň başynda gögerýän gytyk boýly, inçejik baldakly haşal ot.

**GYRTYÇLYK** [gyrtyşlyk], *at.* Gyrtyjyň köp gögeren, biten ýeri.

**GYRUW**, *at*, *sazç*. Dutarda sag elde amala aşyrylýan tilsim.

**GYRYJY**, *syp.* Gyrýan, köpçülikleýin öldürýän, ýok edýän (zäherli derman, gaz we ş.m. zatlar). *Gemrijileri gyryjy derman*.

**GYRYK**, *syp.* **1**. Ujundan gyrdalan, kesilen, gyrlan. *Ol gysga gyryk sakgalyny sypap, kimedir tabşyryk berjek ýaly göründi* (B. Kerbabaýew). **2**. Boguk, dury däl, garjaşyk (ses hakynda). *Bagşy diýlip getirilen gyryk sesi bilen heň edip ugrady* (B. Gulow). **3**. Üzülen, gyrlan, üzük. *Gyryk sapak*.

**GYRYLJYK**, *syp.* Çala boguk, garjaşyk çykýan, dury bolmadyk (ses hakynda). *Birdenkä onuň ýeňsesinden ýogyn, gyryljyk ses ýaňlandy* (N. Jumaýew).

**GYRYLMAK I**, *işl.* Köpçülikleýin ölmek, ölüp gutarmak.

**GYRYLMAK II**, *işl.* **1**. Gyrgyç, rende bilen ýüzi ýukajyk aýrylyp ýylmanmak. **2**. Sapak, eriş bulaşyp ýolunmak, üzülmek. *Ýüwürdip oturan tarasynyň erişleriniň gyrlany bar eken.* **3**. Gyryk çykmak, garjaşmak (ses hakynda). *Aga çopan şol gygyryp gelşine sesi-de gyrlypdy* ("Görogly").

**GYRYM**, *at.* Haly dokalanda iki öýdümden ýa-da iki setir çitimden soň, çitilen ýüpleri syndy bilen endigan gyrmaklyk. *Ol halyçylaryň elini, ýüpleriň reňkini, çitimi, gyrymy nazardan sypdyranok* ("Edebiýat we sungat").

**GYRYM-GYRYM** [gyrym-ğyrym], *syp.* Ýolum-ýolum, üzük-üzük. *Ýüp getir diýsek, gyrym-gyrym ýüp alyp geldi.*

◊ **Gyrym-gyrym etmek** ýüpi, bagy ýoluşdyrmak, ýolum-ýolum, üzüm-üzüm etmek.

**GYRYMSY**, *at.* Düýbünden şahalap, topbak ösýän, pes boýly agaç. *Gyrymsy agaç.*

**GYRYNDY** [gyrynny], *at.* Haly dokalanda onuň çitiminiň ýüzünden gyrkylyp aýrylýan gysgajyk gyryntgy, üpür-çüpürler we şonuň ýaly-da, her bir zadyň ýonulyp aýrylan ownuk bölegi. *Halynyň gyryndysy*. *Gyzylyň gyryndysy*.

◊ **Gyzylyň gyryndysy ýaly** gymmatly, tapylgysyz (aýamaga, sylamaga, gowy görmäge mynasyp). *Ol gyzylyň gyryndysy ýaly adamdy*.

**GYRYNMAK**, *işl.* Özüň üçin gyrmak. *Gawun gyrynmak*.

**GYRYŞ I**, *iş ady.* Gyrmak ýagdaýy.

**GYRYŞ II**, *iş ady.* Gyrmak ýagdaýy.

**GYRYŞDYRMAK I**, *işl.* Bir ýan ujundan gyryp çykmak, öldürişdirmek.

**GYRYŞDYRMAK II**, *işl.* **1**. Bir zady gazaşdyrmak, büdür-südür ýerini ýonuşdyrmak, ýylmaşdyrmak. *Sähetdurdy eline pili alyp, laý çukuryna girdi-de, ussa goýan pagsasyny gyryşdyryp ýylmaýança, çukurdan bir eýlem ýaly palçygy atyza zyňyp, ony agdaryşdyryp, depgileşdirip taýýar etdi* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. Üzüşdirmek, ýoluşdyrmak. *Kempir soňra: – Gel, gyzym, meniň saçymy ýoluşdyr, gyryşdyr, bulam-bujar et – diýen* ("Türkmen halk ertekileri"). **3**. Bölek-bölek edip kesişdirmek, kerçeşdirmek. *Ýyglan oty gyryşdyryp mallara bermek.*

**GYRYŞMAK I**, *işl.* **1**. Gyrmaga, köpçülikleýin öldürmäge kömek etmek. *Çekirtge gyryşmak.* **2**. Gyrmak işini bile etmek, köpçülikleýin öldürişmek.

**GYRYŞMAK II**, *işl.* **1**. Gyrmaga kömek etmek. *Ol sygyrlara beriljek otlary gyryşdy.* **2**. Gyrmak işini bilelikde etmek. *Eneli gyz dokma gyrşyp otyrdylar.*

**GYR-ÝAP**: **gyr-ýap etmek 1)** oturan adamlary her hili degişme bilen gyzyl-gyran etmek, köp güldürmek. **2)** gyran-jyrana salmak, dyr-pytrak etmek, öldürmek.

**GYRÝOWŞAN** [gyrýowşon], *at.* Gyrda bitýän ýowşan.

**GYSAÇ**, *at, ser.* **Gysgyç** we **Ysaç**.

◊ **Gysaja gysmak** daşyny gabamak, çykalgasyz ýagdaýda goýmak.

**GYSBAŇ** [gysvaň], *syp.*, *ser.* **Gysby**.

**GYSBY** [gysvy], *syp.* Giň däl, dar, gysbaň; insiz. *Bu ýoluň iki gapdalyny beýik-beýik depeler tutup, ol dagyň gysby jülgelerine gaty meňzeşdi* (A. Gowşudow).

**GYSDYRMAK** [gyssyrmak], *işl.* **1**. Bir zady iki zadyň arasyna ýa-da bir zadyň aşagyna salyp goýmak, arasyna, aşagyna sokmak. **2**. *gepl.d.* Para, berim bermek.

**GYSDYRYLMAK** [gyssyrylmak], *işl.* **1**. Iki sany zadyň aralygyna salnyp goýulmak, arasyna sokulyp goýulmak. **2**. *göç.m.* Goşulmasyz zada goşulmak, ara sokulmak, barmasyz ýere barmak.

**GYSGA** [gy:sğa], *syp.* **1**. Uzyn däl, kelte. **2**. *göç.m.* Az, sähelçe, dowamly däl (wagt hakynda). Gysga wagtyň içinde.

◊ **Gysga çekimli** *dil b.* aýdylanda gysga eşidilýän çekimli ses.

**GYSGAÇA** [gy:sğaça], *syp.* Örän gysga, doly däl, ýüzleý.

**GYSGALDYLMAK** [gy:sğaldylmak], *işl.* **1**. Uza boýundan kesilip, gyrkylyp gysga edilmek, ujundan aýrylmak. *Simiň uzynlygy gysgaldyldy*. **2**. Wagty, möhleti azaldylmak.

**GYSGALMA** [gy:sğalma], *iş ady.* Gysgalmak ýagdaýy.

**GYSGALMAK** [gy:sğalmak], *işl.* **1**. Gysga bolmak, keltelmek, girmek. *Ýuwlan köýnek gysgalypdyr*. **2**. Azalmak, kemelmek (wagt we ş.m. hakynda). *Gijeler uzalyp, gysgaldy gündiz* (A. Kowusow).

**GYSGALMAZLYK** [gy:sğalmazlyk], *iş ady.* Gysga bolmazlyk, girmezlik; azalmazlyk, kemelmezlik (wagt we ş.m. hakynda).

**GYSGALTMAK** [gy:sğaltmak], *işl.* **1**. Kesip, gyrkyp kelteltmek, gysga etmek. *Ol saçyny gysgaltdy*. **2**. Wagtyny, möhletini azaltmak, kemeltmek. *Gürrüňi gysgaltmak*. **3**. *mat.* Drob sanyň ikisini hem bir sana bölüp, kiçi sanlarda aňlatmak. *Droby gysgaltmak.*

**GYSGALYK** [gy:sğalyk], *at.* Uzyn dällik, keltelik. *Bu köýnek saňa gysgalyk eder.*

**GYSGALYŞ** [gy:sğalyş], *iş ady.* Gysgalmak derejesi.

**GYSGANÇ** [gysğanç], *syp.* Öz zadyny hiç kime bermeýän, gysyk, husyt, syrnyh.

**GYSGANÇLYK** [gysğanyşlyk], *at.* Gysyklyk, husytlyk. *Gysgançlyk etmek*. *Seniň gysgançlygyňdan ýaňa halys boldum*.

**GYSGANMA** [gysğanma], *iş ady.* Gysganmak ýagdaýy.

**GYSGANMAK** [gysğanmak], *işl.* Gysgançlyk etmek, husytlyk etmek, birinden zadyňy gabanmak. *Çöreklerini gysgansalar hem suwsuz goýmazlar. Sygryň göwnüni tapmasaň, ol senden süýdüni gysganýar*.

**GYSGANMAKLYK** [gysğanmaklyk], *iş ady.* Gysganmak derejesi.

**GYSGANYŞ** [gysğanyş], *iş ady.* Gysganmak hereketi.

**GYSGANYŞMAK** [gysğanyşmak], *işl.* Birnäçe bolup gysganyp oturmak.

**GYSGYÇ** [gysğyç], *at.* **1**. Serlen geýimleri ýüpde gapjap saklamaga hyzmat edýän enjam. **2**. Bir zady gysyp tutar ýaly demir gural, gysaç, ysaç. *Ussa demri gysgyja gysdyryp, çekiçläp ugrady.*

**GYSMA**, *iş ady.* Gysmak hereketi.

**GYSMAK**, *işl.* **1**. Bir zady barmagyň bilen çekmek, basmak. *Birden ol mäşäni gysdy* . **2**. Iki sany zadyň aralygyna salyp, berk basmak ýa-da el bilen berk tutmak. *Ol bukjany goltugyna gysdy*. **3**. Dar bolmak, gysby bolmak. *Ädik aýagymy gysýar.* **4**. *göç.m.* Bir iş hakynda gyssamak, alada goýmak, tijendirmek. *Başlyk ony gysyp ugrady*. **5**. *göç.m.* Bir işden, ýagdaýdan çetleşdirmek; aýyrmak. *Önümçilikden gol zähmetini gysyp çykarmaly* . **6**. *göç.m.* Sütem, zulum etmek, ezmek, horlamak.

◊ **Gysyp çykarmak** aradan aýyrmak, ulanyşdan aýyrmak. *Ozaly bilen, sulfaty ýygnamakda gol zähmetini gysyp çykarmaly* (Ş. Borjakow). **Gysyp gowurmak 1)** gaty gysmak, gysyp owradyp barmak. **2)** aldym-berdime salmak, gyssamak.

**GYSMAKLYK**, *iş ady.* Gysmak ýagdaýy.

**GYSMYLJYRAMA**, *iş ady.* Gysmyljyramak ýagdaýy.

**GYSMYLJYRAMAK**, *işl.* Biriniň ýanynda gysylybrak oturmak, golaý durmak, gysyljyramak. *Hydyr kakasyna gysmyljyrady* (O. Ödäýew).

**GYSMYLJYRAMAKLYK**, *iş ady.* Gysmyljyramak derejesi.

**GYSMYLJYRAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup biri-biriňe gysmyljyramak. *Biri-biriňe gysmyljyraşyp oturmak*.

**GYSSAG** [gyssağ], *at.* Örän tiz, çalt, howlukmaç, alňasak. *Gyssagymyz özümiz bilen. Gyssaga düşmek.*

**GYSSAGARA** [gyssağa:ra], *hal.* Gyssagly, howlukmaç. *Ol ýoldaşlary bilen gyssagara hoşlaşdy* (B. Seýtäkow).

**GYSSAGLY** [gyssağly], *syp.***1**. Howlukmaç, gyssag, alňasak. **2**. Gaýra goýulmasyz, tiz ýerine ýetirilmeli, şol bada edilmeli (iş we ş.m. hakynda). *Iň gyssagly günlerde işden gijä galmak gelşiksiz.*

**GYSSAGLYK** [gyssağlyk], *at,ser.* **Gyssaglylyk**.

**GYSSAGLYLYK** [gyssağlylyk], *at.* Howlukmaçlyk, gyssagaralyk, alňasaklyk. *Häzirki operasiýanyň gyssaglylygy bolsa oňa mümkinçilik berenokdy* (Ý. Mämmediýew).

**GYSSAMA**, *iş ady.* Gyssamak hereketi.

**GYSSAMAK**, *işl.* **1**. Bir zady wagtyndan öň tiz gutartmak, ýerine ýetirtmek üçin howlukdyrmak, alňasatmak. *Ýaş-ýeleňler pälwanlary gyssap başladylar* (H. Meläýew). **2**. Belli bir maksat üçin birini erkine goýman, jogap soramak. *Ol ony barha gyssaýardy.* **3**. Maly adaty ýöreýşinden gaty sürmek, gaty ýöretmek. *Goýunlar sürlende gyssamaly däl.* **4**. Aldym-berdime salmak, aljyramak (kesel hakynda). *Kesel onuň demligini daraldyp gyssaýardy*.

**GYSSAMAKLYK**, *iş ady.* Gyssamak ýagdaýy.

**GYSSANJYNA**, *hal.* **1**. Howlugýandygy üçin, howlugýandygy sebäpli. *Ol gyssanjyna egni ýeke gat donly gapa dazyrdap çykdy* (B. Kerbabaýew). **2**. Janhowluna. *Janawer ak erkek aýaklaryny uzadyp, gyssanjyna zordan bagyrdy* (N. Pomma).

**GYSSANMAÇ**, *hal.* Howlukmaç halda, howlukmaç ýagdaýda, alňasak. Ol *gyssanmaç içerik girdi*.

**GYSSANMAÇLYK** [gyssanmaşlyk], *at.* Howlukmaçlyk, alňasaklyk, howul-haralyk.

**GYSSANMAK**, *işl.* **1**. Haýsydyr bir işi, hereketi, zady çaltrak etmäge, ýerine ýetirmäge çalyşmak, alňasamak, howlukmak. *Men gyssanýaryn, kän egleme.* **2**. Kesel zerarly janhowluna azar çekmek. *Ol gyssandy, ýatan ýerinden gygyrdy* (B. Seýtäkow).

**GYSSAŞDYRMAK**, *işl.* **1**. Çalt hereket etmeklerini talap etmek, howlukdyrmak. **2**. Birnäçe adamy erkine goýman, olaryň her haýsysyndan habar, jogap talap edip çykmak.

**GYSSAÝYŞ**, *iş ady.* Gyssamak ýagdaýy.

**GYSY**, *at.* Iki dagyň biri-birine golaýlap daralýan ýeri, deräniň iň gysby ýeri.

**GYSYK**, *syp.,gepl. d., ser.* **Gysganç**.

**GYSYKLYK**, *at.* **1**. *gepl. d., ser.* **Gysgançlyk**. **2**. *göç.m.* Dargursaklyk, dar göwrümlilik. *Munuň ýaly işde gysyklyk etmek bolmaz* ("Edebiýat we sungat").

**GYSYLJYRAMAK**, *işl., ser.* **Gysmyljyramak**.

**GYSYLMAK**, *işl.* **1**. Bir ýere ýa-da biriniň, bir zadyň ýanyna jebis dykylyp durmak. *Jeýhunyň ýaý ýaly egrelen kenaryna gysylyp oturan obadaky toý gün dogup-dogmanka başlandy* (H. Meläýew). **2**. Howsala düşmek, darykmak, gyssanmak, gyssaga düşmek, ynjalyksyzlanmak. *Bibijemal ilki birneme gysyljak boldy* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Daralmak, inçelmek, gysby bolmak. *Gumdan geçen ýerimizde ýol gysyldy*. **4**. *göç.m.* Öňki durkundan horlanmak, eti-gany çekilmek. *Onuň hem arryk ýüzüniň tumşuklary gysyldy* (A. Gowşudow).

**GYSYLYŞMAK** [gyslyşmak], *işl.* Biri-biriňe gysylmak. *Olar biri-birine gysylyşyp otyrdylar.*

**GYSYLYŞYK** [gyslyşyk], *at.* Gysylyşmaklyk ýagdaýy, dyknyşyk, daryşganlyk.

**GYSYM**, *at.* Eliň ýumlan barmaklarynyň arasyndaky boşluk, şeýle hem şol boşluga sygýan zat. *Bir gysym gum. Iki gysym gowurga.*

◊ **Gysymyňa gysmak** birine öz diýeniňi etdirmek, biriniň erkini almak. **Gysymynda saklamak** biriniň erkini öz ygtyýaryňa almak, öz ugruna goýbermezlik, berk tutmak. **Bir gysym bolmak** gaty horlanyp, göwresi kiçelmek. **Bir gysym bolup oturmak** göwnüçökgün halda kibitini gysyp oturmak. *Ol gap böwürde bir gysym bolup otyrdy*.

**GYSYMLAMA**, *iş ady.* Gysymlamak hereketi.

**GYSYMLAMAK**, *işl.* Gysym bilen tutmak, gysymyňa gysmak, gysymyňa almak. *Gyz nogta ýaly gara saçyny gysymlady.*

**GYSYMLAŞDYRMAK**, *işl.* Gysymlap çykmak, yzly-yzyna gysymlamak.

**GYSYMLATMAK**, *işl.* Gysymlamak işini birine etdirmek.

**GYSYMLAÝYŞ**, *iş ady.* Gysymlamak hereketi.

**GYSYM-PENJE**, *at*, *gepl.d.* "Az-kem, az-owlak" manysyndaky takmyny ölçeg birligi. *Gysym-penje ot alyp gelmek*.

**GYSYNDYRMAK** [gyssynnyrmak], *işl.* Howsala salmak, alada goýmak, bikarar etmek. *Howanyň günsaýyn sowap gidip oturmagy daýhanlary biçak gysyndyrýardy.*

**GYSYNMAK**, *işl., ser.* **Gysylmak 2**. *Birbada biz gysynjak ýaly etdik*.

**GYSYP-GOWURMAK** [gysyp-gowurmok], *işl.* Ruhy taýdan çykgynsyz ýagdaýa salmak, güýçli derejede darykdyrmak, ýüregini gysdyrmak. *Iň soňky mertligiň gözýaşa öwrüp, Gaplaň derisinden çykan gaplaňy Giň kapasa barýa gysyp-gowuryp* (G. Ezizow).

**GYSYR**, *syp.* Bogaz däl, buga, goça, tekä gelmedik, gaýmadyk (mal hakynda). *Gysyr sygyr. Gysyr goýun. Gysyr galmak.*

◊ **Gysyr emgek** başa düşen bela, görgi, gury azap. *Hüňkär patyşa Jygalybegiň gapdalyndan gysyr emgek bolup sataşdy* ("Görogly").

**GYSYRAK**, *at, gepl.d.* Ýaş baýtal, höwre goýulmadyk baýtal.

**GYSYRBOSSAN** [gysyrvossa:n], *at.* Palasa salynýan nagşyň bir görnüşi.

**GYSYRLYK**, *at.* Bogaz dällik, gysyr galmaklyk.

**GYSYŞ**, *iş ady.* Gysmak ýagdaýy.

**GYSYŞDYRMAK**, *işl.* Gysyp çykmak, birnäçe gezek gysyp, basyp görmek. *Ol garpyzlaryň birnäçesini eli bilen gysyşdyryp gördi*.

**GYSYŞMAK**, *işl.* Biri-biriň elini gysmak, bilelikde gysmak.

**GYŞ**, *at.* Güýzüň yz ýany bilen başlanýan we ýazyň gelmegi bilen tamamlanýan iň soňky pasyl. *Gyşy gyş syramadygyň, ýazy ýazsyramaz* (Nakyl). *Bu ýerleriniň gyşy sowuk, tomsunyň nähilidigini häzir özüňiz görüp dursuňyz* ("Türkmenistan"). *Gyş gazaply geldi* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Älem içre at gezer").

◊ **Gara gyş** sowuk garly gyş. *Men ony goradym ýaman gözlerden, Jalaý ýigitleriň her garaýşyndan. Sowuk gybatlardan, sowuk sözlerden, Tükenmez ýyllaryň gara gyşyndan* (G.Ezizow).

**GYŞARMA** [gy:şarma], *iş ady.* Gyşarmak ýagdaýy.

**GYŞARMAK** [gy:şarmak], *işl.* **1**. Dik duran bir zat ýykylybrak, eglibräk durmak. **2**. Ýatmak. *Bir salym gyşarmasam boljak däl, gaty ýadapdyryn.* **3**. Ýanyn ýatyp, tirsegiňe daýanmak *Öz öýünde gyşaryp, çaý içip ýatyrdy* (Ý. Mämmediýew). **4**. Göni ýoldan çykmak. *Şu ýoldan gyşarsaň azaşarsyň!* **5**. *göç.m.* Öz diýeniňi etdirjek bolmak, ýanyňdaky adamyň garaýşynyn tersine hereket etmek. *Är-aýal arasynda agzybirlik bolman, her kim bir ýana gyşarsa, olar üçin dünýä parahatlygynyň peýdasy ýokdur* (B. Kerbabaýew). **6**. *ser.* **Gyşarylmak 2**. *Iki sözüň birinde maňa gyşaryp durma, şonsuzam derdim özüme ýetik*.

**GYŞARMAKLYK** [gy:şarmaklyk], *iş ady.* Gyşarmak ýagdaýy.

**GYŞARNYKSYZ** [gy:şarnyksyz], *syp.* Esasy ýörelge, ugur boýunça, hakyky düzgün boýunça, gönüden-göni.

**GYŞARTMAK** [gy:şartmak], *işl.* **1**. Bir ýana egmek, ýaplamak. *Ol boýnuny bir tarapa gyşartdy*. **2**. Göni zady bükmek, egreltmek. *Çüýi gyşartmak.*

**GYŞARYLMAK** [gy:şarylmak], *işl.* **1**. *ser.* **Gyşarmak**. *Gyşarylyp iki daýhan, Bir peliň gyrasynda, Şu hili gürrüň gidýär, Olaryň arasynda* (Ş. Kekilow). **2**. *gepl.d.* Ýanyndaky adamyň içini ýakjak bolup her hili teýeneli, gyşyk sözler aýtmak. *Beýdip adama gyşarylyp durmak bolarmy, ony sylamasaňam, özüňi bir syla.*

**GYŞARYŞ** [gy:şaryş], *iş ady.* Gyşarmak ýagdaýy.

**GYŞARYŞMAK** [gy:şaryşmak], *işl.* **1**. Bir gapdala eglişip, gyşaryp durmak. **2**. Birnäçe bolup gyşaryp ýatmak.

**GYŞLADYLMAK**, *işl.* Idedilip gyşdan çykarylmak, gyş wagtynda idedilmek, gyş wagty bakylmak. *Mallaryň gyşladyljak ýerlerinde ýeterlik mukdarda ot-iým taýýarlandy*.

**GYŞLAG** [gyşlağ], *at.* Gyş wagty ýaşamak üçin mally-garaly göçülip barylýan ýer, gyşlamak üçin ýer, gyşlanýan amatly ýer. *Maldarlar gyşlaga göçüp bardylar.*

**GYŞLAKY**, *syp.* Öz dogulmaly wagtyndan ir, gyş aýlarynda dogan (owlak, guzy). *Gyşlaky guzy.*

**GYŞLAMA**, *iş ady.* Gyşlamak ýagdaýy.

**GYŞLAMAK**, *işl.* Gyşyna bir ýerde ýaşamak, gyşyňy bir ýerde geçirmek. *Diňe seniň gyşyň bilen gyşladym, Diňe seniň ýazyň bilen ýazladym* (G. Ezizow).

**GYŞLAMAKLYK**, *iş ady.* Gyşy gyşlap geçirmek ýagdaýy.

**GYŞLATMAK**, *işl.* Gyşyna idetmek, gyşyna bakmak, bakyp gyşdan çykarmak. *Maldarlar howanyň amatsyz şertlerine garamazdan, dowarlary gowy gyşlatdylar.*

**GYŞLAÝYŞ**, *iş ady.* Gyşlamak ýagdaýy.

**GYŞLYK**, *syp.* Gyşa niýetlenen, gyş üçin taýýarlanan. *Gyşlyk geýim. Gyşlyk mal otuny taýýarlamak.*

**GYŞSYRAMAZLYK**, *iş ady*. Gyşy gyşa meňzemezlik. *Gyşy gyşsyramadygyň ýazy ýazsyramaz* (Nakyl).

**GYŞYK** [gy:şyk], *syp.* **1**. Göni däl, egri. *El döwler, gyşyk bitmek üçin* (Nakyl). **2**. *gepl.d.* Gyşarylyp bir zat diýmäge endik eden (adam hakynda).

◊ **Aýagyny gyşyk basmak** dowam edýän ahlak kadalaryndan çykyp, ters ýola baş goşmak, ters ýola düşmek.

**GYŞYK-ÇAÝŞYK** [gy:şyk-çaýşyk], *syp.* Göni däl, egrem-bugram. *Ol maňa gyşyk-çaýşyk hat ýazypdyr.*

**GYŞYKLYK** [gy:şyklyk], *at.* **1**. Gyşyk ýagdaýda, halda bolmaklyk, egrilik. **2**. *gepl. d.* Gyşarylyp bir söz aýdaganlyk. *Gyşyklyk ýaramaz gylykdyr.*

**GYŞYN-ÝAZYN** [gyşy:n-ýa:zy:n], *hal.* Gyşyna we ýazyna, gyş we ýaz pasyllarynda. *Ol telpegini kellesinden gyşyn-ýazyn çykarmazdy.*

**GYT**, *syp.* Haýsydyr bir zat mukdar taýdan az, bol däl, seýrek gabat gelýän, çöl. *Gara ýeriň astynda-da daş gyt däl...* (K. Gurbannepesow). *Gyt haryt*.

**GYTAK** [gy:tak], *syp.* Göni däl-de, bir gapdala ýykygrak, gyýarak, egriräk. *Mata gytak kesilipdir.*

◊ **Gözüň gytagy bilen seretmek** ýüzüňi öwürmän, gözüňi hereketlendirip, sag ýa-da çep tarapyňa seretmek.

**GYTAKLAMA** [gy:taklama], *iş ady.* Gytaklamak ýagdaýy.

**GYTAKLAMAK** [gy:taklamak], *işl.* Gytak ýöremek, gyýalamak. *Ozaldan düzgün eden düýe, her wagt agzyny ota urup, keýiklere tarap gytaklap ugrady* (N. Pomma).

**GYTAKLAÝYN** [gy:taklaýyn], *hal.* Gyýarak, göni däl-de gyýalap.

**GYTAKLAÝYŞ** [gy:taklaýyş], *iş ady.* Gytaklamak ýagdaýy.

**GYTALMA**, *iş ady.* Gytalmak ýagdaýy.

**GYTALMAK**, *işl.* Haýsydyr bir zat mukdar taýdan azalmak, seýrek gabat gelmek, çolarmak.

**GYTALMAKLYK**, *iş ady.* Gytalmak ýagdaýy.

**GYTALTMAK**, *işl.* Haýsydyr bir zat mukdar taýdan azalmak derejesine ýetirmek, seýrek gabat geler ýaly etmek.

**GYTALYŞ**, *iş ady.* Gytalmak ýagdaýy.

**GYTÇYLYK**, *at, ser.* **Gytlyk**.

**GYTLYK**, *at.* Gyt ýagdaýda bolmaklyk, bol dällik, gytçylyk.

**GYTYGRAK** [gytyğra:k], *syp.* Has gytyk, çala ösen.

**GYTYK**, *syp.* Ösgün däl, gysga (saç, sakgal, tüý hakynda). *Ýagmyr gytyk tüýli telpegini kellesine geýdi* (B. Seýtäkow).

**GYTYKSY**, *syp.* Birneme gytyk, gytygrak, ösgün bolmadyk.

**GYTYRDAMA**, *iş ady.* Gytyrdamak ýagdaýy.

**GYTYRDAMAK**, *işl.* Gytyrdyly ses çykmak. *Gar aýak astynda gytyrdaýar.*

**GYTYRDATMAK**, *işl.* Gytyrdyly ses çykarmak, gytyrdyly seslendirmek.

**GYTYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Gytyrdamak ýagdaýy.

**GYTYRDY**, *at.* Gaty zat gemrilip iýlende, garda ýörelende we ş.m. ýagdaýlarda döreýän sesiň ady. *Syçanyň gytyrdysy*.

**GYW** [gy:w], *üml.* Aýal-gyzlar birine ýüzlenende, gygyranda ulanýan sözi. – *Gyw, bärik gel!* (H. Derýaýew). – ***Gyw,*** oglan, ýüzüňi sallajak bolýamyň? Hany, bäriňe dogruja gara! (Ý. Mämmediýew).

**GYWLAMA** [gy:wlomo], *iş ady.* Gywlamak ýagdaýy.

**GYWLAMAK** [gy:wlomok], *işl., gepl.d.* Birini çagyrmak üçin "gyw" diýip seslenmek.

**GYWLAÝYŞ** [gy:wloýuş], *iş ady.* Gywlamak ýagdaýy.

**GYÝA**, *syp.* Kese, ýanyn, gyşyk. *Ýigidiň kiçeňräk gyýa gözleri bardy.*

◊ **Gyýa göz bilen garamak (seretmek)** ýigrenç bilen garamak.

**GYÝAK I**, *at, ösüml. d.* Ýerden dürterişip çykýan çylgym-çylgym inçe baldakly köpýyllyk ot. *Olar suwoty bilen gyýagyň tapawudyny gaty gowy bilýärler* (N. Esenmyradow).

**GYÝAK II**, *at.* Käbir süýdemdirijileriň ýokarky äňiniň iki ýanyndan ösüp, agzyndan çykyp duran dişi. *Piliň gyýagy.* **3**. Adamyň ýokarky äňiniň alyn dişleri bilen azy dişleriniň arasyndaky ujy ýiti diş. **4**. Geýime salynýan nagşyň bir görnüşi.

**GYÝALAMA**, *iş ady.* Gyýalamak ýagdaýy.

**GYÝALAMAK**, *işl.* Uzak aralygy gysgaltmak maksady bilen gönülemän, barmaly ýeriňe ugruňy azajyk gyşardyp ýöremek, uçmak. *Uçar obanyň üstünden bir gezek öwrüm edägede, derrew gonmak üçin gyýalap, aşaklygyna gaýdyp başlady.*

**GYÝALAÝYŞ**, *iş ady.* Gyýalamak ýagdaýy.

**GYÝAŇ**, *syp., gepl.d.* Gyradeň däl, gyşyk, egri, gyýa. *Matany gyýaň kesmek.*

**GYÝÇAK**, *syp.* Daşy düz, tekiz bolmadyk, gyýyk-gyýyk, ujy, ýüzi ýiti bolan. *Gyýçak daş.*

**GYÝDYRMAK**, *işl.* Gyýmak işini birine etdirmek. *Matany gyýdyrmak.*

**GYÝKMAÇ**, *at, ser.* **Gyýkmak**.

**GYÝKMAK**, *at.* Ýukarak kesilip, gyýlyp alnan gawun ýa-da garpyz dilimi, kiçijik inçe dilim, gyýkmaç, gyýkym. *Gawundan bir gyýkmak kes-de jigiňe ber!*

**GYÝKYM**, *at, ser.* **Gyýkmak**.

**GYÝKYNDY** [gyýkynny], *at.* Geýim biçilende, mata, demir kesilende galýan bölekler. *Mata gyýkyndylary.*

**GYÝKYNDYK** [gyýkynnyk], *at,ser.* **Gyýkyndy**.

**GYÝMA I**: **gyýma gaş** gyýlyp duran inçeden owadan gaş. *Onuň gyýma gara gaşlarynyň aşagyndan şar gara gözleri ýalpyldaýardy* (A. Gowşudow). **Gyýma balak** erkek kişileriň milli biçüwdäki jalbary, balagy.

**GYÝMA II**, *iş ady.* Gyýmak ýagdaýy.

**GYÝMAK**, *işl.* **1**. Kesip ýaralamak, dilmek ýa-da ýyrtmak. *Pyçak elimi gyýdy*. **2**. Tutuş matanyň ujundan zolaklaýyn gyýa kesmek. *Matanyň ujundan sähelçe gyýyp aýrypdyr.*

**GYÝMAKLYK**, *iş ady.* Gyýmak hereketi.

**GYÝMAZLYK**, *iş ady.* Dözmezlik.

◊ **Gözüň gyýmazlyk** dözmezçilik etmek, dözmezlik.

**GYÝY**, *at.* **1**. Içmek, ädik, çokaý, köwüş we ş.m. tikilende berklik üçin iki deriniň, gaýşyň sepleşýän ýerine goýulýan zolak gaýyş, deri. *Içmegiň gyýysy oňat düşüpdir*. **2**. Durlugyň, üzügiň jähegi, gyra ýüpi.

**GYÝYK**, *syp.* Göni däl, kese, gyşyk. *Matany gyýyk kesipdirler.*

◊ **Gyýyk garamak** *ser.* **Gyýa göz bilen garamak**. *Soltansöýün Gülüň özüne gyýyk garaýanyny aňypdyr* ("Myraly").

**GYÝYKÝAKA**, *at.* Erkek kişileriň köýneginde gapdalrakdan açylýan ýakanyň bir görnüşi. *Gyýykýaka köýnek*.

**GYÝYLMAK**, *işl.* **1**. Ýiti zat bilen kesilmek, dilinmek. *Matanyň gyrasy gyýylypdyr.* **2**. Bir zada gynanmak, nebsiň agyrmak, rehimiň inmek.

**GYÝYLYK**, *syp.* Gyýy bolar ýaly (bölek gaýyş, deri). *Gyýylyk deri*.

**GYÝYM-GYÝYM** [gyýym-ğyýym], *at.* Dilim-dilim, kesim-kesim, gyýkym-gyýkym.

◊ **Ýüregiň gyýym-gyýym bolmak** ýüregiň awamak, örän gaty gynanmak.

**GYÝYNMAK**, *işl.* Özüň üçin gyýmak, gyýyp almak. *Özüm gyýnyp, bir dilim gawun aldym.*

**GYÝYŞ**, *iş ady.* Gyýmak ýagdaýy.

**GYÝYŞDYRMAK**, *işl.* Gyýym-gyýym edişdirmek, gyýkym-gyýkym edip kesişdirmek. *Ol elindäki matany ölçeg boýunça gyýyşdyrdy.*

**GYÝYŞMAK**, *işl.* Gyýmaga kömek etmek. *Matany gyýyşmak.*

**GYZ** [gy:z], *at.* **1**. Aýal jynsly perzent. *Onuň iki gyzy bar.* **2**. Durmuşa çykmadyk aýal maşgala. *Gyz maşgala. Sypaýyçylykly gyz*. *Durmuşa çykarylýan gyz*.

◊ **Gyz çykarmak** gyzy durmuşa çykarmak, äre bermek. **Gyz gaýtarmak** durmuşa çykan gyzy, çuwalgyzy atasy öýünden gaýyn öýlerine eltmek. *Biz şu gün gyzymyzy gaýtarýarys*. **Gyz toýy** durmuşa çykjak gyzyň öň ýanynda öýlerinde geçirilýän toý. **Gyz ýaly** ýuwaş, çekinjeň, utanjaň, ýygra (ýaş ýigit, oglan hakynda).

**GYZAMYK**, *at.* Ýokary gyzgynly, örgünli, gözüň nemli bardasynyň, agyz boşlugynyň, dem alyş ýolunyň çişmegi bilen bolup geçýän ýokanç çaga keseli.

**GYZARMAK**, *işl.* Gyzyl reňke öwrülmek, gyzyl öwüsmek.

**GYZAMYKLY**, *syp.* Gyzamyk bilen kesellän. *Gyzamykly çaga.*

**GYZAR-GYZAR** [gyzar-ğyzar], *at.* Gahary getirilende, öňki reňkini üýtgedip, gyzgylt öwüsýän hažžyk.

**GYZARMA**, *iş ady.* Gyzarmak ýagdaýy.

**GYZARMAK**, *işl.* **1**. Gyzyl öwüsmek. *Gully dil ýarman, güne... gyzaran ýüzüni sallap, agta ýabysyna ýöneldi* (H. Meläýew). **2**. Ýokary gyzgynlyk zerarly köz ýaly gyzyl bolmak, dym-gyzyl bolmak. *Şahyr eline çekiç alyp, köz kimin gyzaran açary ýençgilemäge durdy* (G. Kulyýew). **3**. Bişmek, bişip ýetişmek. *Pomidorlar gyzarypdyr*. **4**. *göç.m.* Gaharyň gelmek, gaharlanmak, gahardan ýaňa reňkiň üýtgäp, dym-gyzyl bolmak.

◊ **Ýuzi gyzarmak** *ser.* **Ýuz**.

**GYZARMAKLYK**, *iş ady.* Gyzarmak ýagdaýy.

**GYZARMAZLYK**, *iş ady.* Gyzyl öwüsmezlik.

**GYZARTMAK**, *işl.* **1**. Gyzyl reňke öwürmek, gyzyl reňke boýamak, gyzyl reňk çalmak. **2**. Gyzaryp görünmek, dym-gyzyl etmek. *Ol semiz ýüzüni gyzardyp, ile göwni ýetmeýän ýaly bolup otyrdy*. **3**. Ýokary gyzgynlyk zerarly köz ýaly etmek, dym-gyzyl etmek. *Süýüljek demri körükde gyzartdy*.

◊ **Ýüzüni gyzartmak** utandyrmak. *Iliň öňüne çykaryp, ýüzüni gyzartmak*.

**GYZARYLMAK**, *işl.* Bir zada gaharyňy getirmek, gaharlanmak; biriniň üstüne gaharly dazarylmak.

**GYZARYLYŞMAK** [gyzarlyşmak], *işl.* Biri-biriň bilen gaharlanyşmak, biri-biriň üstüne dazarylyşmak.

**GYZARYŞ**, *işl.* Gyzarmak ýagdaýy.

**GYZARYŞMAK**, *işl.* **1**. Gyzaryp görünmek, gyzyl öwüsmek. **2**. Bişip başlamak. *Pomidorlar gyzaryşyp başlady*.

**GYZBALYK** [gy:zva:lyk], *at.* Balygyň bir görnüşi.

**GYZDYRMAK** [gyzzyrmak], *işl.* **1**. Gyzgynlyk derejesini örän ýokarlandyrmak. *Soňabaka ýörite ýasalan demirleri gyzdyryp, munuň endamyna dag basmaga başladylar* (A. Gowşudow). **2**. Sowan nahary ýylatmak, gyzgyn etmek. *Bu nahary gyzdyryp bolmaýarmy?* **3**. Oda çoýup ýylatmak. *Üşän aýaklaryňy gyzdyrmak*. **4**. Bedeniň gyzgynlyk derejesi bolmalysyndan ýokary galmak. *Gyzamyk degen çaga gyzdyryp ýatyrdy*.

**GYZDYRYLMAK** [gyzzyrylmak], *işl.* **1**. Gyzgyny artdyrylmak, gyzgynlyk derejesi ýokarlandyrylmak. *Demir gyzdyryldy*. **2**. Ýyladylmak, gyzgyn edilmek. *Nahar gyzdyryldy. Gyzdyrylan suw*.

**GYZGALAŇ** [gyzğalaň], *at.* Uly höwes, joşgun, uly depgin, göçgün. *Her kim gyzgalaň bilen awara* ("Görogly").

**GYZGALAŇLY** [gyzğalaňly], *syp.* **1**. Gyzgyn höwesli, joşgunly, şowhunly. **2**. Aýgytly, gaýra goýulmasyz, dartgynly, depginli, haý-haýly. *Häzir pagta ýygymynyň gyzgalaňly döwri.*

**GYZGAN** [gyzğan], *at.* Çal baldakly, gyzgylt tikenli, maýdaja gök ýaprakly, topbak ösýän gyrymsy ýabany ösümlik.

**GYZGANLYK** [gyzğanlyk], *syp.* Gyzganyň köp gögerip oturan, köp biten ýeri. *Gyzganlyk ýer.*

**GYZ-GELIN** [gy:z-ğelin], *at.* Gyzlar we gelinler, ýaş aýal maşgalalar. *Mydama gyz-gelniň toýa geýnişi ýaly bezemen geýinmegi halaýardy* (H. Meläýew).

**GYZGYLT** [gyzğylt], *syp.* Gyzyl öwüsýän, çala gyzyl, gyzylymtyl. *Gyzgylt öwüsmek.*

**GYZGYN** [gyzğyn], *syp.* **1**. Ýokary gyzgynlykdaky, gaty gyzan ýa-da gyzdyrylan. *Gyzgyn çörek. Gyzgyn suw. Gyzgyn howa.* **2**. *at*. Ýokary gyzgynlyk. *Çagajygyň gyzgyny ýok. Hassanyň gyzgyny galypdyr.* **3**. *ser.* **Gyzgalaňly**. *Dükanda gyzgyn söwda gidýärdi* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç.m.* Mähirli, gadyrly. *Festiwala gelen myhmanlar gyzgyn garşylandy.*

◊ **Gyzgyn ganly** sähel zat üçin gahary gelýän, gaharjaň, gyzma, dyzmaç (adam hakynda). **Gyzgyny bilen** ara maý salman, mümkinçilik dörän dessine (edilmeli iş hakynda). *Gyzgyny bilen tabşyrygy ýerine ýetirmegiň ugruna çykdym*.

**GYZGYNLY** [gyzğynly], *syp.* Gyzgyny bar (*ser*. **Gyzgyn 2**.). *Hassalaryň gyzgynlysyny aýry saklamaly*.

**GYZGYNLYK** [gyzğynlyk], *at, fiz.* **1**. Haýsydyr bir zadyň gyzyş derejesi. *Ýokary gyzgynlyk. Pes gyzgynlyk. Howanyň gyzgynlygy.* **2**. Adam bedeniniň ýylylyk derejesi. *Kadaly gyzgynlyk.Ýokary gyzgynlyk. Gyzgynlygy ölçemek*.

**GYZGYNLYLYK** [gyzğynlylyk], *at.* Gyzgyny barlyk, gyzgynly bolmaklyk.

**GYZJAGAZ** [gy:zjağaz], *at*. Kiçijik gyz.

**GYZ-JUWAN** [gy:z-juwa:n], *at.* Gyz we ýigit, ýaşlar, gyzlar-oglanlar. *Gyz-juwanlar söhbet tutar, Zowky-sapalary bardyr* ("Görogly").

**GYZLAK** [gy:zlak], *syp.* Gyzy köp bolan, köp gyzly. *Gyzlak maşgala.*

**GYZLY** [gy:zly], *syp*. Gyzy bar.

**GYZLYK** [gy:zlyk], *at.* **1**. Aýal maşgalanyň durmuşa çykmazyndan ozalky ýagdaýy, durmuşa çykmadyk gyz maşgala. *Gyzlyk ejaby.* **2**. Gyz ýaşynda ahlak taýdan päklik, arassalyk. **3**. Gyz edinmek üçin alnan çaga, öweý ene-atanyň gyzy, öweý gyz. *Gyzlyk almak.*

**GYZMA**, **1**. *iş ady.* Gyzmak ýagdaýy. **2**. Gaharjaň, sähel zada gahary gelýän, gany gyzgyn, girrik, dargursak, göçgünli.

**GYZMAÇ**, *syp.*, *ser.* **Gyzma 2**. *Bizde kä ýaşlar gyzmaç, alňasak bolýar, kän ýaňrap, az işleýär* (A. Atajanow).

**GYZMAÇLYK** [gyzmaşlyk], *at,ser.* **Gyzmalyk**. *Özüniň gyzmaçlygyna käýinip, eden işine ökündi* (N. Jumaýew).

**GYZMAK**, *işl.* **1**. Gyzgynlyk derejesi ýokary galmak. *Suw gyzdy*. **2**. *göç.m.* Gyzmalyk etmek, gaharyň gelmek, girriklik etmek. *Sen nähak gyzýarsyň, rahatlan* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç.m.* Gyzgalaňly bolmak, şowhunly bolmak, gyzyşmak. *Oýun dura-bara gyzýardy*. **4**. *göç.m.* Bir zada gaty höweslenmek, höwesiň artmak, gyzyşmak. *Bagşy barha gyzýardy*.

◊ **Gyzan bazara dönmek** köp mähelle üýşmek, adam bary ýygnanmak.

**GYZMAKLYK**, *iş ady.* Gyzmak ýagdaýy.

**GYZMAZLYK**, *iş ady.* Gyzgynlyk derejesi galmazlyk.

**GYZMALYK**, *at.* Gaharjaňlyk, girriklik, ganygyzgynlyk. *Ýeri, gyzmalyk ediberme.*

**GYZ-OGLAN** [gy:z-oğlon], *at.* **1**. Gyzlar we oglanlar, çagalar, ýetginjekler, ýaşlar. *Gyz-oglan diýmän hemmeler okaýarlar.* **2**. Gyz maşgala, gyz çaga. *Gyz-oglan näzikdir – dutaryň tary, Elinde ýaglygy ýelpeselendi* (Halk aýdymyndan).

**GYZYBERMEK** [gyzyvermek], *işl.* Gaharlanyp başlamak. *Pir bu habary eşidip gyzyberdi* ("Görogly").

**GYZYBUT** [gyzyvu:t], *at.* Ygally ýyllarda ýaz aýlary meýdanda bitýän kömelegiň bir görnüşi.

**GYZYGYŞMAK** [gyzyğyşmak], *işl.* Bir zada gyzygyp ugramak, gyzygyp başlamak, höwes, yhlas bilen ýapyşmak, üns bermek. *Çagalar oýna gyzygyşyp gitdiler.*

**GYZYK**, *syp.* Keýp, hezil, lezzet. *Odun ýygmagyňam öz gyzygy bar*.

**GYZYKDYRMAK**, *işl.* Gyzykmak katdyna ýetirmek, gyzykly bolar ýaly etmek, gyzyklandyrmak, höwesek bolmagyny gazanmaga çalyşmak. *Mugallym hem: "Howlukma, wagty gelende hemme soragyňa jogap alarsyň" – diýip, öz sapagyna barha gyzykdyrýardy* (N. Esenmyradow).

**GYZYKLANDYRMAK** [gyzyklannyrmak], *işl.* Bir işi etmäge birinde höwes döretmek, höweslendirmek, özüne çekmek, ünsüni çekmek.

**GYZYKLANMA**, *iş ady.* Gyzyklanmak ýagdaýy.

**GYZYKLANMAK**, *işl.* Bir işi bilmäge, etmäge güýçli höwes döremek, höweslenmek, bilesigelijilik meýli oýanmak, gyzyklanma bildirmek.

**GYZYKLANMAZLYK**, *iş ady.* Bir zada gyzyklanma bildirmezlik.

**GYZYKLANYŞ**, *iş ady.* Gyzyklanmak ýagdaýy.

**GYZYKLY**, *syp.* **1**. Şatlykly, hezil. **2**. Geň, täsin. *Ol gyzykly adam.*

**GYZYKLYLYK**, *at.* Lezzet berijilik, şatlandyryjylyk, ünsüňi çekijilik. *Agşamky oýnuň gyzyklylygy göwnüme ýarady.*

**GYZYKMA**, *iş ady.* Gyzykmak ýagdaýy.

**GYZYKMAK**, *işl.* **1**. Gyzyklanmak, bilesigelijilik etmek. *Iki atyň haýsynyň ökde çykjagyna hemmeler gyzygýardylar* (B. Kerbabaýew). **2**. Möwç almak, gyzyşmak, gyzmak, hyjuwlanmak. *Ol oglan gyzygyp oýnaýardy. Özara gürrüň gyzygýardy.*

**GYZYKSYZ**, *syp.* Gyzygy ýok, gyzykly däl. – *– Seniň pikiriňçe, onda hasapçylyk gyzyksyz, biderek işdä? – diýip, ýaňky gyz sorady* (N. Jumaýew).

**GYZYL I**, *syp.* **1**. Gan reňkine çalymdaş reňkli, gyrmyzy. **2**. Oglana dakylýan at.

◊ **Gyzyl aç** gaty ajygan (adam hakda). *Uzak ýoldan gelen myhmanlaryň öňünde çaý-nahar goýdum welin, gördümem etmediler, gyzyl aç ekenler.* **Gyzyl kitap** bütin dünýäniň haýwanlarynyň, ösümlikleriniň seýrek görnüşleriniň ýaýran ýerleri, olary goramagyň çäreleri hakynda maglumat berýän kitap. **Gyzyl ýumruga girmek** ýumruk salşyp uruşmak, ýumruklaşmak.

**GYZYL II**, *at.* **1**. Sary reňkli gymmatbaha metal, altyn, tylla, himiki element. *Sap gyzyl*. **2**. Şeýle metaldan ýasalan önüm, altyn zatlar, bezegler. *Gyzyl sagat*. *Gyzyl ýüzük*. *Gyzyl diş*. **3**. *göç. m.* Mertebesi, hümmeti, hili, häsiýeti bilen tapawutlanýan, örän gowy, gymmatly.

◊ **Gyzyla doňmak** örän köp şaý-sep dakynmak. **Gyzyla dönmek** örän gerekli bolmak. *Sendenem zat dilän özüň bolma, soran zadyňy aljak gümanyň ýok, edil gyzyla dönäýýär*. **Gyzyla gaplaýmaly** gymmatly, bahasyna ýetip bolmaýan. *Atalaryň gyzyla gaplaýmaly sözleriniň belli bir bahasy ýok*. **Gyzyl bolmak** gowy adam hatarynda diýip hasap edip, gaty gowy görmek. *Düýnki gün halaman ýören adamyň bu gün gyzyl bolaýdymy?* **Gyzyl pul** walýuta. **Gyzyl tapan ýaly bolmak** keýpiň kök bolmak, şatlanmak, begenmek. **Gyzylyň gyryndysy ýaly 1)** örän owadan, görmegeý. *Ol gyz iş geýiminiň içinde gyzylyň gyryndysy ýaly bolup görünýärdi*. **2)** gymmatly, arzyly. **Gyzyl ýaly** adamkärçilikli, medeniýetli, mähirli, tapylgysyz.

**GYZYL III**, *at.* Harman atylyp, arassalanan bugdaýyň üýşmegi, sap galla. *Harmanlar atylansoň, onuň gyzyly bir ýere üýşürildi*.

**GYZYL-ALA** [gyzyl-a:la], *syp.* **1**. Gyzyl reňkiň ak, gara reňkler bilen gatyşan görnüşi. *Muhat aga sözüne dyngy berip, öňündäki gyzyl-ala çäýnekden käsesine çaý guýup içmäge durdy* (N. Pomma). **2**. Her hili gyzyl, gyzylymtyl reňkdäki egin-eşik, lybas. *Goýun janawer: "Gyzlaryň gyzyl-alasy, o-da meniň ýüňümden bolýar" diýermişin* ("Edebiýat we sungat").

**GYZYLAÝAK**, *at.* **1**. Gyzylgaz. **2**. Nagşyň bir görnüşi. **3**. Oba ady

**GYZYLÇOG** [gyzylço:ğ], *syp.* Gyzyl reňkdäki egin-eşik, lybas. *Ol elmydama gyzylçog bolup gezerdi* (A. Gowşudow).

**GYZYL-ÇYZYL**, *at, gepl.d.* Ýaş aýal maşgala. *Tamara doktor Amanmyradyň gözüni çöwrüp görüp: – Ogulşirin eje, trahoma ýok. Gözler sag. Indi näme, gyzyl-çyzyl görünmegem geň däl! – diýip bälçiredi* (“Türkmen dili” ).

**GYZYLEŇEK**, *syp.* Sakgal-murty çykmadyk, ýaş, ýetginjek. *Biz uruş döwründe gyzyleňek oglandyk.*

**GYZYLETENE**, *syp.* **1**. Heniz ýelek çykarmadyk, uçurym bolmadyk çaga guş. *Ýetim galan gyzyletene garlawaçjyklara ýat garlawaçlar hossarlyk edýär* (O. Ödäýew). **2**. *göç.m.* Egin-eşiksiz, ýalaňaç diýen ýaly.

◊ **Gyzyletene bolmak** derisi sypyrylyp gyzarmak, ýara bolmak. *Bütin elleri gyzyletene boldy.*

**GYZYLETJIK**: **gyzyletjik etmek** garşy-garşy degip, sydyryp gyzyl gana boýamak, hamy sypyrylyp, gyzaryp durmak. *Ýabynyň toýnagy ökjämi basa-basa gyzyletjik etdi* (N. Saryhanow).

**GYZYLGAZ** [gyzylğa:z], *at.* Gyzgylt reňkli uzyn boýunly, uzyn aýakly suw guşy.

**GYZYLGUÝRUK** [gyzylğuýruk ], *at.* Guýrugy gyzyl öwsüp duran, owazly saýraýan serçe ýaly guş.

**GYZYLGYRAN** [gyzylğyra:n]: **gyzylgyran bolmak** gülşüp kese ýykylmak, gülüp keýpden çykmak.

**GYZYL-GYZYL** [gyzyl-ğyzyl], Gyzaryşyp duran, gyzaryşyp görünýän (köp zadyň reňki hakynda). *Gyzyl-gyzyl horazlar, Harmandadyr, ýar-ýar!* (Toý aýdymy).

**GYZYLINJIK** [gyzyli:njik], *at.* Uzyn gyzyl injikli, suwluk ýerde ýaşaýan ak guş.

**GYZYLJA**, **1**. *syp.* Kiçijik, göze ýakymly gyzyl zat. **2**. *at.* Gyzyl reňkli syrdam ösýän pürli ösümlik, borjak. **3**. Tene gyzylymtyl örgün örüp döreýän ýokanç kesel (köplenç, çagalara degýär).

**GYZYLJAGURT** [gyzyljağu:rt], *at.* Şagala görä kiçiräk, iki öň aýagy bilen ýer peşeýän çöl möjegi, ýyrtyjy haýwan.

**GYZYLLAMA 1**, **2**, **3,** *iş ady.* Gyzyllamak ýagdaýy. Gyzyllamak işi.

**GYZYLLAMAK 1**, *işl. zergärç. s.* Gyzyl çaýmak, gyzyl çalmak, gyzyl suwuny bermek. *Heýkeliň ýüzüni gyzyllamak.* **2**. Gyzyl reňk çalmak, gyzyl reňk bilen reňklemek, örtmek. **3**. Bugdaý-arpa başa duran wagty ýagyn ýagyp, dymyljyk howa sebäpli kesel döremek, ýagny bugdaý-arpanyň başy, baldagy gyzyl tozga bilen örtülmek. *Şol ýyl, hakykatdan hem, bugdaý bitginli bolup, tümmüle duranda, gyzyllapdy* (B. Kerbabaýew).

**GYZYLLANMAK** *işl.* **1**. Gyzyl çaýylmak. **2.** Gyzyl reňk bilen boýalmak, gyzyl reňk çalynmak. *Gyzyllanan gülýaka*.

**GYZYLLAŞMAK**, *işl.* **1**. Gyzyllamaga kömekleşmek. **2**. Bilelikde gyzyllamak. *Ussalar ýüzük gyzyllaşyp otyrdylar.*

**GYZYLLATMAK** *işl.* **1**. Gyzyl çaýmak işini. **2.** Gyzyl reňk çalmagy birine etdirmek. *Gülýakanyň ýüzüni gyzyllatmak.* **3.** Galla ekinleriniň gyzyllamak

keseli bilen kesellemegine ýol bermek, sebäp bolmak. *Ýagyş ak ekinleri gyzyllatdy*.

**GYZYLLYK**, *at.* Gyzyl reňkde bolmaklyk, gyzyl öwşün atmaklyk. *Matanyň gyzyllygy. Ýüzüň gyzyllygy.*

**GYZYLMEŇIZ**, *syp.* Eti-gany ýerinde, gyzyl ýüzli (adam hakda).

**GYZYLÖDEK** [gyzylö:dök], *at.* Adamyň, haýwanyň agyz boşlugy bilen aşgazany birleşdirýän, gyzyl turbapisint bölegi, ödek.

**GYZYLRAK** [gyzylyrak], *syp.* Reňki gyzyla ýakyn; beýlekä görä has gyzyl reňkli. *Maňa gyzylrak mata gerek. Gyzlaryň biriniň köýnegi beýlekisiniňkä görä gyzylrak*.

**GYZYLSAPAK**, *at.* Salkymynyň sapagy gyzyl, terbaşa meňzeş ak üzümiň süýji we suwly bir görnüşi.

**GYZYLYMTYL**, *syp.* Çala gyzyl, gyzyl öwüsýän. *Obamyzyň gaýrasynda giň gyzylymtyl takyr bardy*.

**GYZYL-ÝAÝYRT**: **gyzyl-ýaýyrt bolup ýatmak** dyr-pytrak bolup dagap, çaşyp ýatmak.

**GYZYM**, *syp., gepl.d.* Gowy görýän zady üçin ölüp-öçüp barýan (adam hakynda). *Nahara gyzym adam. Çagasyna gyzym adam.*

◊ **Bokurdagyna gyzym** iýmeli bolsa, ölüp-öçüp barýan. *Ol bokurdagyna gyzymdy, tabak garasyny görse, duran ýeridi.*

**GYZYŞ**, *iş ady.* Gyzmak ýagdaýy.

**GYZYŞDYRMAK**, *işl.* Işe, oýna we ş.m. zatlara köpçüligi gyzykdyrmak, höwes döretmek. *Ýaryşy gyzyşdyrmak*.

**GYZYŞMAK**, *işl.* **1**. Birneme gyzyp başlamak. *Öýüň içi birneme gyzyşdy öýdýän*. **2**. Bedeniňi gyzdyrmak. *Oglanlar gyzyşmak üçin duran ýerlerinde bökýärdiler*. **2**. *göç. m.* Haýsydyr bir bolup duran waka,ýagny toý dabarasy, oýnuň şowhuny, işiň, gürrüňçiligiň barşy ýetjek derejesine ýetmek, has güýçlenmek. *Onuň bilen gürrüňimiz gyzyşyp gitdi. Toý gyzyşdy. Iş gyzyşdy.*

**GYZZA-GYZZA** [gyzza-ğyzza], *hal.* Gyssagara, gyssagly, az wagtyň içinde, howlukmaç.

◊ **Gyzza-gyzza gelmek** bir işiň aýgytly döwri gelmek iň gyzgalaňly pursady bolmak.

**GYZZA-GYZZALYK** [gyzza-ğyzzalyk], *at.* Dartgynlylyk ýagdaýy, örän alňasaklyk, bir işi örän howlukmaçlyk bilen, gyssagara ýerine ýetirmeklik.

**GYZZYRMA I**, *at.* Iniňi tikenekledip, üşedip, gyzgynyň ýokarlanmak bilen ýüze çykýan kesel, ysytma.

**GYZZYRMA II**, *at.* Aldyrylmadyk hamyrdan saçda, pejiň üstünde we ş.m. ýerde bişirilýän ýukajyk tegelek çörek.

**GYZZYRMAÇ**, *at,gepl. d., ser.* **Gyzzyrma II**. *Gyzzyrmaç bişirinmek.*

# H

**H**, Türkmen elipbiýiniň dokuzynjy harpy.

**HA** [ha:] **I**, *dil b.* Basymy özüne geçirmeýän we çyzyjak arkaly ýazylýan güýçlendiriji ownuk bölek. *Ýagyş ýagaýsa-ha gowy bolardy!*

**HA** [ha:] **II**, *dil b.* Gezekleşigi aňladýan, "ýa, ýa-da" manysynda gelýän baglaýjy. *Aşyk bolan kişi sabr edip gezer, Umytly bagynyň gülünden ýolar, Ha ýagşy, ha ýaman, jebrine dözer, Ýanmagyl bir ýola, merdana bolgul* ("Leýli – Mejnun").

**HAB** [ha:p], *at, k. d.* Uky. *Gelmedi hasta göze hab* (Burhaneddin Siwasly).

**HABABAÝLAMA** [havavaýlama], *iş ady.* Hababaýlamak ýagdaýy.

**HABABAÝLAMAK** [havavaýlamak], *işl.* Gaty üşemek, gyzdyrma tutmak we ş.m. zerarly üşedip gagşamak, sesli titremek.

**HABABAÝLAMAZLYK** [havavaýlamazlyk], *iş ady.* Gaty üşemek zerarly gagşamazlyk, sesli titremezlik.

**HABABAÝLAŞMAK** [havavaýlaşmak], *işl.* Birnäçe bolup hababaýlamak. *Sowukdan ýaňa hababaýlaşyp başladylar.*

**HABABAÝLATMAK** [havavaýlatmak], *işl.* Hababaýlamaga mejbur etmek. *Ysytma ony hababaýladyp başlady.*

**HABABAÝLAÝYŞ** [havavaýlaýyş], *iş ady.* Hababaýlamak ýagdaýy.

**HABAR** [havar], *at.* **1**. Biri ýa-da bir zat barada mälim edilýän maglumat, aýdylýan gürrüň. *Bu habar derrew oba ýaýrady.* **2**. Döwürleýin neşirlerde çap edilýän kiçiräk makala. **3**. *dil b.* Sözlemiň eýesi dogrusynda maglumat berýän, bir zadyň hereketini ýa-da ýagdaýyny aňladýan baş agzanyň biri. *Sözlemiň eýesiniň we habarynyň aşagyny çyzyň.*

◊ **Habar almak** biriniň hal-ýagdaýyny bilmek üçin ýanyna barmak, habar tutmak. *Habar alyň, han Saýada ne boldy?* ("Saýatly – Hemra"). **Habar bermek (etmek)** bir zat hakynda habarly etmek, bir habary, maglumaty bir ýere, birine mälim etmek, eşitdirmek. *Ol telefon arkaly habar etdi.* **Habar beriş serişdeleri** habardyr maglumatlary ýaýradyp, köpçülige ýetirmek üçin radio-telewideniýe, gazetler we ş.m. serişdeler. **Habar gatmak** biri bilen tanyşmak, gepleşmek üçin söz açmak. **Habar tutmak** *ser.* **Habar almak**. *Gyzy: "Ejemden habar tutaýyn" diýip, oba gitdi.* **Habary bar** agzy hapa, neşekeş. *Onuň her hili neşelerden hem habary bar öýdýän.* **Habaryny almak 1**) aňyrdan gelen adamyň habaryny, haýyşyny we ş.m. diňlemek; 2)

sawçylaryň habaryny, teklibini deslapky kabul etmek. *Gyzyň ene-atasy sözaýdyjylaryň habaryny alypdyr.*

**HABARÇY** [havarçy], *at.* **1**. Biri ýa-da bir waka barada habar berýän adam. *Bu gün biziň obamyza-da bir atly habarçy geldi* (B. Kerbabaýew). **2**. Gazet ýa-da žurnal, radio we beýleki habar beriş aragatnaşyk serişdeleri edaralarynda habar taýýarlaýan ýa-da ýerlerden habar iberýän işgär. *Ýörite habarçy*. *Men radioda habarçy bolup işleýärin*. **3**. *gepl. d.* Aýdara gep tapsa, ýaýradyp ýören adam.

◊ **Gara habarçy** iliň gepini, gürrüňini diňläp ýören şugulçy.

**HABARÇYLYK** [havarçylyk], *at.* Habarçynyň käri, ýagdaýy. *Habarçylyk işi.*

**HABARDAR** [havarda:r], *syp.* **1**. *ser.* **Habarly**. *Habardar adam.* **2**. Ylym, tehnika, kär, hünär, ýagdaý we ş.m. barada düşünjesi bar bolan, başy çykýan, maglumatly, düşünjeli. *Tehnikadan habardar adam.* **3**. *Habardar* sypatynyň soňundan *bolmak* kömekçi işligi gelip, täze manyly düzümli işlik ýasalýar: **Habardar bolmak** bolup biläýjek howply, hatarly zatlardan seresap bolmak, ägä bolmak. *Ol Permana habardar bolmagy sargap, öz ugruna gitdi* (A. Gowşudow).

**HABARDARLYK** [havarda:rlyk], *at.* **1**. Bir iş, mesele we ş.m. barada habary barlyk, öňden bilýän bolmaklyk, habarlylyk. *Ýagdaýdan habardarlygymy mälim etdim.* **2**. Ylym, kär, hünär, ýagdaý we ş.m. barada düşünjelilik, maglumatyň bolmaklyk.

**HABAR-HATYR** [havar-ha:ty:r], *at, ser.* Biri ýa-da bir zat hakynda eşidilen habar, gördüm-bildim. *Biz uzak wagtlap ol ýerden habar-hatyr alyp bilmezdik.*

**HABARLAŞMA** [havarlaşma], *iş ady.* Habarlaşmak ýagdaýy.

**HABARLAŞMAK** [havarlaşmak], *işl.* Biri bilen habar alyşmak, biri-biriňi habarly etmek (*ser.* **Habar 1**.).

**HABARLAŞMAKLYK** [havarlaşmaklyk], *iş ady.* Habarlaşmak ýagdaýy.

**HABARLAŞMAZLYK** [havarlaşmazlyk], *iş ady.* Biri bilen habar alyşmazlyk, habarlaşyp durmazlyk.

**HABARLAŞYK** [havarlaşyk], *at.* Biri-biriň bilen habarly bolup durmaklyk.

**HABARLAŞYKLY** [havarlaşykly], *syp.* Biri--biriňden habarly. *Gitjek wagtymyz habarlaşykly bolaly.*

**HABARLAŞYŞ** [havarlaşyş], *iş ady.* Habarlaşmak ýagdaýy.

**HABARLY** [havarly], *syp.* **1**. Habary bar. *Şol işden habarlydygy ony haýran galdyrdy* (B. Kerbabaýew). **2**. Bir habar, ýumuş, haýyş bilen gelen, işli. *Eşider bolsaň, Sen gulak salsaň, Habarly geldim, Pendimi alsaň!* (A. Atajanow). **3**. *gepl. d.* Neşe edýän. *Oňa tirýekden habarly diýýärler.*

**HABARLYK** [havarlyk]: **habarlyk derejesi** (*dil b.*) sözlemde habaryň hyzmatyny, wezipesini ýerine ýetirmäge ukyby bolan sözler we olara goşulýan goşulmalar. *Habarlyk derejesine sözlemde habar bolup gelmek ukyby bolan söz hem şekillere goşulýan goşulmalar girýär.*

**HABARLYLYK** [havarlylyk], *at.* Habarly bolmaklyk, habary barlyk. *Seniň öňden habarlylygyň gowy zat.*

**HABARNAMA** [havarna:ma], *at.* Nämedir bir zat dogrusynda garamagynda durýan edara, gurama ýazuw üsti bilen berilýän maglumat, habar; habardar ediş resminamasy.

**HABARSYZ** [havarsyz], *syp.* **1**. Bir iş, mesele, waka we ş.m. hakynda habary bolmadyk, bihabar. *Ol hiç zatdan habarsyz çagalara syr bildirmedi* ("Edebiýat we sungat"). **2**.Ylym, tehnika, kär, hünär we ş.m. barada düşünjesi bolmadyk, maglumatsyz, başy çykmaýan.

**HABARSYZLYK** [havarsyzlyk], *at.* **1**. Bir iş, mesele, waka we ş.m. hakda habary ýokluk, habary bolmazlyk, bihabarlyk. *Onuň bu işden düýbünden habarsyzlygyna we onuň öz ýigitleriniň tarapyny tutýanlygyna düşündiler* (N. Saryhanow). **2**. Ylym, tehnika, kär, hünär we ş.m. barada düşünjesi, maglumaty ýokluk, başy çykmazlyk.

**HABYP** [havy:p], *at.* **1**. *k. d.* Içini dökýän, derdiňi paýlaşýan, syr alşyp-berişýän ýakyn ýoldaş, syrdaş. *Aşyk Kasym, sen-sen meniň habybym, Ýowuz günler düşdi, ýokdur tebibim* ("Hüýrlukga – Hemra"). **2**. Oglana dakylýan at.

**HAÇ** [haj], *at.* **1**. Mekge şäherinde ýerleşýän Käbä zyýarat. *Ýykylanyň bagry ýerden galmazmy? Haç baran gelmezmi, aglan gülmezmi?!* (Magtymguly). *Magtymguly, ger doýursaň bir ajy, Mälimdir, tapar sen bu ýerde hajy* (Magtymguly).

**HAÇ**, *at.* Hristianlarda atanak görnüşli dini simwol.

**HAÇAN**, *çal.* **1**. "Näwagt, nämahal" diýen manyly wagt aňladýan sorag çalyşmasy. *Biziň zehinimiz Watanyň, halkyň derdine şu günler ýaramajak bolsa, haçan ýaramalymyş?* (B. Hudaýnazarow). *Ol haçan gitdi?* **2**. Bir wagt, bireýýäm, öň geçip giden wagt. *Onuň baryp göçeni haçan, sen bolsa ony şol ýatlap otyrsyň.*

◊ **Hiç haçan** hiç wagt. *Hiç haçan kişiniň baýlygyna göz gyzdyrmaly däldir.*

**HAÇJA** [hatja], *at.* Agajyň esasy baldakdan toýnuk görnüşli şahanyň aýrylýan ýeri hem-de toýnuk görnüşli bölegi. *Ol guşjagaz käte uçup, beýleki haçjanyň üstüne gonýardy* (B. Kerbabaýew).

**HAÇPARAZ**, *at, taryh.* Hristianlaryň haç simwolyna sežde edýän adam.

**HADA** [ha:da], *at.* **1**. Ýogyndan uzyn syrdam agaç, uzyn taýak. *Baýa gezek gelende, hadam gysgalyp, garyba*

*ýetende uzamajagyna aklym ýetýär* (B. Kerbabaýew). **2**. Ýeriň meýdanyny ölçemek üçin iki başy çatylyp, ortasy kese agaç bilen berkidilen iki metr uzynlygyndaky ölçeg agajy, atanak.

◊ **Hada paýlaşygy** (*taryh*) hada, atanak agaç bilen ölçelýän ýer bölünişigi.

**HADASALYK** [ha:dasalyk], *at.* Gazy gazanlara belli bir möhlet üçin ölçelip berilýän ýer, paý, çäk.

**HADYM** [ha:dym], *at.* Toýuň ýolbaşçysy, beýemçi bolýan adam. *Maslahatyň başy, toýuň hadymy, Asylzadalardan asly gadymy* (Baýly şahyr).

**HADYMLYK** [ha:dymlyk], *at, kön.s.* Hadymyň ýagdaýy.

◊ **Hadymlyk satmak** özüňi bilimli hasaplamak, ähli zatdan başyň çykýan bolmak, köpbilmişlik etmek, bilimseklik etmek.

**HADYS** [hady:s], *at.* Muhammet pygamberiň aýdan sözlerini we eden işlerini beýan edýän ýygyndy. *Çyn hadysdyr, tutma bu söze güman* (Azady).

**HADYSA** [ha:dy:sa], *at.* Käbir adatdan daşary bolup geçýän üýtgeşik waka. *Bu hadysa onuň ýüreginde ýer tutdy, gijeler düýşüne girdi* (B. Seýtäkow).

**HA-HA-HA** [ha-ha-ha:], *üml.* Gaty gülnende çykýan ses.

**HAHAHAÝ**, *at.* Hahahaýlap gülnende çykýan sesiň ady. *Onuň hahahaýy ýatmady.*

**HAHAHAÝLAMA**, *iş ady.* Hahahaýlamak ýagdaýy.

**HAHAHAÝLAMAK**, *işl.* Ha-ha-ha edip, gaty sesli gülmek. *Öwez han bolsa, munuň gürrüňine hahahaýlap güldi* ("Görogly").

**HAHAHAÝLAŞMAK**, *işl.* Köp bolup hahahaýlamak, gülüşmek. *Olaryň bary hahahaýlaşyp gelýärdi.*

**HAHAHAÝLAÝYŞ**, *iş ady.* Hahahaýlamak ýagdaýy.

**HAJAT** [ha:jat], *at.* **1**. Durmuşyň, ýaşaýşyň talabyna laýyklykda gerek bolan zat, zerurlyk. **2**. Gyza dakylýan at.

**HAJATDAN** [ha:jatda:n], *at.* Lagymly hajathanalardaky hapalary, nejasatlary akdyrmak üçin niýetlenen hajat enjamy.

**HAJATHANA** [ha:jatha:na], *at.* Aýak ýoluna gitmek üçin ýörite jaý.

**HAJY**, *at.* **1**. Mekgä zyýarata gidip gelen adamlara goşmaça berilýän at. **2**. Oglana dakylýan at.

◊ **Haja gitmek** Käbä zyýarata gitmek. **Hajy gidermen** hemişe bir ýere ugrajak bolup duran. *Senem haçan görseň hajy gidermen, öýüňde arkaýyn oturýan günüň ýok.*

**HAJYK-HUJUK**, *at.* Sypaýyçylykly, göwün alyjylykly aýdylýan mylaýym söz, hoşamaýlyk. *Sen onuň hajyk-hujugyna agzyňy öwelden bolup ýörsüň* (R. Gelenow).

◊ **Hajyk-hujuk etmek** ýaranjaňlyk etmek, göwnüni tapjak bolmak.

**HAJYMELIK**, *at.* Köp iýýän, örän horan, iýejen, doýmaz-dolmaz adam.

◊ **Hajymelik açmak** nebsi otukmak, doýmaz-dolmaz bolmak. **Hajymelik ýaly** nebsewür, açgözlük edýän, doýanyny-dolanyny bilmeýän. *Mundan ozal-da näme bersem, hajymelik ýaly symyşlar oturardyň* (N. Pomma).

**HAJYMELIKLIK**, *at.* Örän horan, iýejen, doýmaz-dolmaz bolmaklyk.

**HAJYRAW** [hajurow], *syp.* Guduz açan ýaly alyp-ýolup barýan.

**HAJYRAWLYK** [hajurowluk], *at.* Hajyraw deý bolmaklyk, hajyrawyň ýagdaýy.

**HAJYRUN** [hajuru:n], *syp., ser.* **Hajyraw**.

**HAJYRUNLYK** [hajuru:nlyk], *syp., ser.* **Hajyrawlyk**.

**HAŽŽYK**, *at. haýwanat d.* Süýrenijiler toparyndan bolan uzyn inçe guýrukly, dört aýakly, zemzen pisint kiçijik süýreniji, kelpeze. *Sazagyň başyna dyrmaşyp çykan hažžyklar dünýäniň bolşuna geň galyjylyk bilen syn edýän ýalydylar* (B. Kerbabaýew).

◊ **Hažžyk ýaly çişmek (gyzarmak)** gaty gaharyň gelip gyzarmak, gaharlanmak.

**HAŽŽYLDAMA** [hažžyllama], *iş ady.* Hažžyldamak ýagdaýy.

**HAŽŽYLDAMAK** [hažžyllamak], *işl.* Hažžyldyly ses çykarmak, haž-haž edip seslenmek.

**HAŽŽYLDAŞMAK** [hažžyllaşmak], *işl.* Köp bolup hažžyldamak. *Zemzenler hažžyldaşýarlar.*

**HAŽŽYLDAÝYŞ** [hažžyllaýyş], *iş ady.* Hažžyldamak ýagdaýy.

**HAŽŽYLDY** [hažžylly], *at.* Käbir jandarlar dem alanda, gaharlananda, haýbat atanda, şonuň ýaly-da olaryň üstüne howp abananda, käbir azyk önümleri ajanda ýa-da adamyň öýken çişme, demgysma ýaly kesellere ýoluganda we ş.m. halatlarda döreýän ses, şonuň ýaly-da şol sesiň ady.

**HAŽŽYLDYLY** [hažžyllyly], *syp.* Hažžyldy sesini edýän, çykarýan.

**HAŽLAMA** [hažylama], *iş ady.* Hažlamak ýagdaýy.

**HAŽLAMAK** [hažylamak], *işl.* Haž bermek; hažžyldap seslenmek.

**HAŽLAMAKLYK** [hažylamaklyk], *iş ady.* Hažlamak ýagdaýy, işi.

**HAŽLAÝYŞ** [hažylaýyş], *iş ady.* Hažlamak ýagdaýy.

**HAK I**, *at.* **1**. Hudaý. **2**. *at.* Bir zada bolan erk-ygtyýar, hukuk. *Her kimin erkin ýaşamaga haky bar.*

3. *syp.* Hakykata laýyk gelýän, adalatly, ýerlikli, dogry. *Hak söz hinden çykar, biliň, ýylany* (A. Kekilow). *Sen hak aýdýarsyň.*

◊ **Haka ten bermek** Hudaýa sygynmak, Hudaý diýmek. **Hakdan içen** hemme zady, durmuşy örän gowy bilýän, hudaý tarapyn berlen, zehinli. **Hak gözünden eşitmek** bir habary hakyky bilýänden, ynamdar adamdan, gözi bilen görenden eşidip bilmek. – *Men muny hak gözünden eşitdim – diýip, Pirguly beg ýan bermedi* (A. Gowşudow). **Hak öýüne barmak** aradan çykmak, dünýäden ötmek, aýatdan mahrum bolmak; ýogalmak, ölmek.

**HAK II**, *at.* **1**. Çekilýän zähmete, işe, ýerine ýetirilen hyzmata we ş.m. tölenýän pul, aýlyk, muzd, töleg. *Iş haky*. **2**. Bölünişikde ýetýän paý, ülüş, zat. *Mirasdan ýumruk ýetse-de, hakyňy al* (Nakyl). **3**. Alynmaly zat, algy. *Ala gargada hakym bolsa, gyş gelmese, ýaz geler* (Nakyl).

◊ **Haky köýen ýaly** ýamanalgyly ýaly, sypaýyçylyksyz, yrsaraýan. *Pökgen bolsa göýä şu oturanlarda haky köýen ýaly, bir çetde, ýüzüni bir batman sallap otyrdy* (A. Gowşudow). **Hakyna tutma** nähilidir bir işi muzduna ýerine ýetirýän, möhletleýin hak tölenip işledilýän. **Hakyna tutmak** birini hak tölemek şerti bilen işe almak, işletmek. *Hakyna işgär tutmak*. **Hakyndan çykmak (gelmek)** hötdesinden gelmek, ýerlikli, degerli iş, hereket bilen jogap gaýtarmagy başarmak, gözüne görkezmek, jezasyny ýetirmek. *Muny öýersek, hakyndan çykdygymyz bolar* (N. Saryhanow).

**HAKAS** [haka:s], *at, ser.* **Hakaslar**.

**HAKASLAR** [haka:slar], *at.* Hakasiýanyň esasy ilatyny düzýän türki halk.

**HAKDA**, *köm. s., ser.* **Hakynda**. *Kitap hakda söhbet.*

**HAKGULLA** [hakgulla:], *at.* Harman döwlende ujundan gedaý, guş we ş.m. haky diýen ýaly yrym üçin aýrylyp, bir ýere dökülip goýulýan galla. *Harman wagtlary harman gezip, hakgulla ýygnardy* (N. Pomma).

◊ **Hakgulla diýip oturmak** öz düşen ýagdaýyna kaýyl bolup oturmak.

**HAK-HESIP** [hak-hesi:p], *at.* Geçirilýän hasap-hesip, hasaplaşyk. *Kakaň bilen hak-hesip edişmäge gitdi* (A. Gowşudow).

**HAK-HEŞDEK**, *at, ser.* **Hak II**, **1**. *Elbetde, ýeke at üçin däl, hak-heşdegi, talaby hem bolar-da* (B. Soltannyýazow).

**HAK-HEŞDEKLI**, *syp.* Zähmetiň, işiň hakyny tölemek şerti bilen.

**HAK-HEŞDEKSIZ**, *syp.* Hak heşdegi bolmadyk.

**HAK-HUKUK** [hak-huku:k], *at.* Bir zada bolan hak, hukuk, ygtyýar.

**HAK-HUKUKLY** [hak-huku:kly], *syp.* Haky, hukugy bar bolan. *Hak-hukukly adam*.

**HAK-HUKUKLYLYK** [hak-huku:klylyk], *at.* Hak-hukugy barlyk.

**HAK-HUKUKSYZ** [hak-huku:ksyz], *syp.* Hak-hukugy bolmadyk, haksyz, hukuksyz.

**HAK-HUKUKSYZLYK** [hak-huku:ksyzlyk], *at.* Hak-hukugy bolmazlyk, haksyzlyk, hukuksyzlyk.

**HAKLAMA**, *iş ady.* Haklamak ýagdaýy.

**HAKLAMAK**, *işl.* Öz borjuňy berjaý etmek, ýerine ýetirmek, ödemek. *Sen ata wesýetini haklap bildiň.*

**HAKLAMAKLYK**, *iş ady.* Haklamak ýagdaýy.

**HAKLAŞDYRMAK**, *işl.* Haklaşmaga hemaýat etmek, haklaşyk geçirmek.

**HAKLAŞMA**, *iş ady.* Haklaşmak ýagdaýy.

**HAKLAŞMAK**, *işl.* **1**. Algy-bergi, borç we ş.m. hasabyny geçirmek, hasaplaşmak. **2**. *göç.m.* Aryňy almak, öç, dawa, jedel ýaly zatlaryň bellisini etmek; deňme-deň bolmak. *Men haklaşaýyn diýsem, arzasyz hem haklaşyp bilerin* (N. Saryhanow).

**HAKLAŞMAKLYK**, *iş ady.* Haklaşmak ýagdaýy.

**HAKLAŞYK**, *at.* **1**. Hak-hesip, algy-bergi, borç we ş.m. hasabyny geçiriş, hasap-hesip ediş. *Haklaşyk wagty*. **2**. *gepl.d.* Ar alyş, öç, dawa, jedel we ş.m. barada belli netije çykaryş.

**HAKLAŞYŞ**, *iş ady.* Haklaşmak ýagdaýy.

**HAKLAÝYŞ**, *iş ady.* Haklamak ýagdaýy.

**HAKLY I**, *syp.* Haky bolan, hak-hukuga eýe bolan.

**HAKLY II**, *syp.* Aýlyk-günlük tölenýän, hak tölenýän, muzdly, hakyna.

**HAKLYK**, *at.* Hak zat.

**HAKLYLYK**, *at.* Hakly bolmaklyk, haky barlyk.

**HAKSYZ I**, *syp.* Haky bolmadyk, hak-hukuksyz.

**HAKSYZ II**, *syp.* Aýlyk-günlük tölenmeýän, hak berilmeýän, muzdsuz, tölegsiz.

**HAKSYZ-HUKUKSYZ** [haksyz-huku:ksuz], *syp., ser.* **Hak-hukuksyz**.

**HAKSYZ-HUKUKSYZLYK** [haksyz-huku:ksuzluk], *syp., ser.* **Hak-hukuksyzlyk**.

**HAKSYZLYK**, *at.* Hakyň ýoklugy, bolmazlygy.

**HAKUJY** [haku:jy], *at.* **1**. Edilýän işiň, çekilýän zähmetiň hasabyna öňünden berilýän pul, hak. **2**. Soňundan hasabat bermek şerti bilen öňünden berilýän pul.

**HAKU-NÄHAK** [haku:-nä:hak], *hal.* Dogry-da bolsa, nädogry-da bolsa, hak-da bolsa, nähak-da bolsa. *Haku-nähak şol işe derrew baş goşmak zerurdy* (B. Kerbabaýew).

**HAKYDA** [haky:da], *at.* Adamyň sagdyn aňy, aň-düşünjesindäki, ýadyndaky zatlary huşuna getirip bilijiligi. *Asyl hakydama gelmändir meniň, Möhüm maslahaty bolmaly onuň* (A. Kekilow).

**HAKYK** [haky:k], *at., zergärç.* Bezeg şaýlarynyň ýüzüne goýulýan gyzylymtyl, mämişi reňkli, gymmat daş.

◊ **Hakyk monjugy ýaly** ýyldyrawuk, dury, dürli görnüşde öwüşgin atýan. *Suwdan çykan üzüm hoşasyna aýyň şöhlesi düşende, üzümler hakyk monjugyň çogdamy ýaly ýylpyldaşýardy* (A. Gowşudow).

**HAKYKAT** [haky:kat], *at.* **1**. Tebigy, hakyky bar bolan zatlar, durmuşdaky hakyky şertler, ýagdaý, waka we adam aňynyň akyl ýetirişiniň gönüden-göni mazmuny. *Biri bardyr tutuş ýalan sözleýär, Biri bardyr hakykaty gözleýär* (K. Gurbannepesow). *Hakykaty ýaşyrmak mümkin däl*. **2**. Çyna laýyk, dogry gelýän zat, ahwalat we ş.m. *Hakykata düşünmek*.

**HAKYKATÇY** [haky:katçy], *syp.* Hakykatyň tarapyny tutujy, dogruçyl. *Ol barypýatan hakykatçy ýigitdi*.

**HAKYKATÇYL** [haky:katçyl], *syp.* Dogruçyllyga, hakykata eýerýän, ony unaýan, oňa ýan berýän, ýykgyn edýän.

**HAKYKATÇYLYK** [haky:katçylyk], *at.* Hakykatyň tarapyny tutujylyk, çynçylyk, dogruçyllyk. *Ony hakykatçylygy üçin söýerdiler.*

**HAKYKATÇYSYRAMAK** [haky:katçysyramak], *işl.* Hakykatçyl bolan bolmak, özüňi hakykatyň tarapdary edip görkezen bolmak.

**HAKYKATDAN** [haky:katdan], *hal.* Dogrudan, çyndan, dogrudan-da. *Hakykatdan hem şeýle boldy*.

**HAKYKY** [haky:ky], *syp.* Hakykata laýyk gelýän, çyn, dogry, hak.

**HAKYKYLYK** [haky:kylyk], *at.* Hakykata laýyklyk, dogrulyk, çynlyk.

**HAKYNDA** [hakynna], *köm. s*. Gürrüňiň, meseläniň kim ýa-da näme barada gidýändigini aňladýan sözsoňy kömekçi.

**HAKYNDALYK** [hakynnalyk]**: hakyndalyk ahwalaty** hakynda, barasynda, dogrusynda we ş.m. sözsoňy kömekçileri bilen gelen sözlerden bolup, gürrüňiň, pikiriň kim ýa-da näme hakyndadygyny görkezýän aňlatma.

**HAKYT** [haky:t], *ugrukd.* Hakykatdan-da, tüýs, edil. – *Örän gowy, hakyt diýeniň gelipdir* – *diýdi* (A. Durdyýew).

**HAL** [ha:l] **I**, *at.* **1**. *ser*. **Ýagdaý**. **2**. *dil b.* Hereketiň, hiliň ýa-da närsäniň alamatyny aňladýan üýtgemeýän söz topary. **3**.Baýlyk, döwlet. *Maly baryň haly bar* (Nakyl).

◊ **Hal bolmak** bir işiň, ýagdaýyň we ş.m. düzelmegi kyn bolmak, çetinleşmek. **Haldan düşmek** güýçden düşmek, ysgyndan gaçmak, halys bolmak. *Ahyry haldan düşüp, ol özüni bir oýuň içine atdy*. Hal üstünde agyr ýagdaýda, çykgynsyz günde. **Halyna (gününe) it aglamak** agyr güne düşmek, kynçylykly, çykgynsyz ýagdaýa uçramak.

**HAL** [ha:l] **II**, *at.* Adamyň ýüzünde, bedeninde bolýan gara meň ýa-da gyzgylt tegmil. *Näzli gelin, bir bäriňi gözlegin, Guwanaýyn menek-menek hallara* (Mätäji). *Hiç üýtgän ýeri ýok, öňküsi ýaly, Al ýaňak üstünde görünýär haly* (A. Kekilow).

**HALA** [ha:la], ″Isle″ manysynda ulanylýan baglaýjy.

**HAL-AHWAL** [ha:l-ahwa:l], *at, ser*. **Hal-ýagdaý**.

**HALAL** [hala:l], *syp.* **1**. Yslam dininiň kada-kanuny boýunça ygtyýar edilen, şerigatyň kada-kanunyna laýyk gelýän, haram däl. **2**. Durmuşyň kada-kanunlaryna laýyk gelýän, kada-kanun boýunça ygtyýar edilen, arassa, päk, päkize, hakyky, kanuny. **3**. Bap, mynasyp gelýän, ynamy ödeýän. *Ata kesbi ogla halal* (Nakyl).

◊ **Halal mal** eti iýilýän mal. **Halalyň bolsun (halal saňa)!**″nesip etsin, berekella″ diýen manyly söz düzümi. **Halal zähmet** öz güýjüň, hünäriň, käriň bilen çekilýän zähmet.

**HALAL-HARAM** [hala:l-hara:m], *syp*. Halal we haram gatyşan. *Sangy etmän, ýygyp halal-haramy, Ahyr bir gün baryp, çaşyr gider sen* (Zelili).

◊ **Halaly-haramy seljermek** halal näme, haram näme, bilmek, ýagşyny-ýamany aýyl-saýyl etmek.

**HALAL-HARAMLYK** [hala:l-hara:mlyk], *at.* Hem halal, hem-de haram gatyşanlygy, halal bilen haramyň garyşanlygy.

**HALALHON** [hala:lho:n], *syp.* Galp iş etmeýän, öz arassa zähmeti bilen, daban azaby bilen ýaşaýan, haram işe baş goşmaýan.

**HALALHONLYK** [hala:lho:nluk], *at.* Halallyga eýermeklik, halallygy söýmeklik, halal bolmaklyk.

**HALALLAMA** [hala:llama], *iş ady.* Halallamak ýagdaýy.

**HALALLAMAK** [hala:llamak], *işl.* **1**. Öz eliň bilen damagyny çalyp öldürmek, iýer ýaly etmek, haram etmezlik. *Aşa düşüp pyçaga gelen goýny halalladylar.* **2**. *göç.m.* Tabşyrylan işi arassa zähmetiň bilen ýerine ýetirmek; bir zada halallyk bilen eýe bolmak, halal etmek. *Ol hakyny halallap aldy.*

**HALALLAMAKLYK** [hala:llamaklyk], *iş ady.* Halallamak ýagdaýy.

**HALALLANMAK** [hala:llanmak], *işl.* Halal edilmek, aşa düşen maly damagy çalnyp, iýer ýaly edilmek.

**HALALLAŞMAK** [hala:llaşmak], *işl.* Halallamaga kömek etmek.

**HALALLATMAK** [hala:llatmak], *işl.* Halal bolar ýaly etdirmek, halallamak işini başga birine etdirmek.

**HALALLAÝYŞ** [hala:llaýyş], *iş ady.* Halallamak ýagdaýy, usuly.

**HALALLYK** [hala:llyk], *at.* Halal zat, ýagdaý, iş we ş.m.

**HALAMA**, *syp.* Arassaçylygy onçakly başaryp durmaýan, arymsy däl.

**HALAMA** [ha:lama], *iş ady.* Halamak ýagdaýy.

**HALAMAK** [ha:lamak], *işl.* **1**. Birini ýa-da bir zady gowy görmek, biri ýa-da bir zat göwnüňe ýaramak. **2**. Ýürekden söýmek, sulhuň almak, aşyk bolmak. *Annaguly Altyny halady* (A. Durdyýew).

**HALAMAKLYK** [ha:lamaklyk], *iş ady.* Halamak ýagdaýy, işi.

**HALAMARAK** [halamara:k], *syp.* Azda-kände halama.

**HALAMAZLYK** [ha:lamazlyk], *iş ady.* Gowy görmezlik, ýaramazlyk. *Ol çakylyksyz öýüne barany halamaýan eken.*

**HALANMAK** [ha:lanmak], *işl.* Gowy görülmek, göwnüňe jaý edilmek. *Biziň bu eden işimiz halansa-ha gowy zat.*

**HALAS** [hala:s], *syp.* Azat, boş, erkin.

◊ **Halas bolmak** bir zatdan başyňy aman gutarmak, bir beladan dynmak, sypmak, howpdan gutulmak. **Halas etmek** erbet zatdan birini ýa-da bir zady dyndarmak, sypdyrmak, azat etmek.

**HALASGÄR** [hala:sğä:r], *at.* Howpdan, çykgynsyz ýagdaýdan halas ediji, beladan gutaryjy. *Ol öz halasgärini tapanyna çäksiz begendi.*

**HALASGÄRLIK** [hala:sğä:rlik], *at.* Halasgär bolmaklyk, halasgäriň ýagdaýy.

**HALAŞMAK** [ha:laşmak], *işl.* Biri-biriňi halamak, biri-biriňi gowy görmek, söýüşmek. *Ol gyz bir ýaş ýigit bilen halaşýar.*

**HALAT**, *at.* **1**. Umumy daş geýim, don. **2**. Kesel-hanada, laboratoriýalarda we ş.m. ýerlerde arassalyk üçin iş geýim hökmünde eşigiň üstünden geýilýän ýektaý. *Şäherdäki lukman gyzlar, Ak haladyn egne geýip, Ak kepderler oba tarap, Uçuberdi ganat ýaýyp* (M. Seýidow). **3**. Birine sowgat, sylag hökmünde berilýän serpaý. *Wah, şunuň ýaly aýal tapsam, iki halat bermäge-de taýyn.* **4.** Çykjak gyza salynýan galyňyň bir bölegi.

◊ **Halatlar gutly bolsun!** gaýtarma bolup, atasy öýüne gelen gyza ýüzlenilip aýdylýan gutlag.

**HALAT** [ha:lat] **I**, *at.* **1**. Wagt, zaman, mahal, pursat. **2**. Ahwalat, ýagdaý. *Bu nä boluş? Bu nä halat?* (G. Kulyýew).

**HALAT** [ha:lat], **II**, *at.* Gudrat, güýç. *Be, jan agam, sen welimi, halatmy?* ("Watan").

**HALATDYRMAK** [ha:latdyrmak], *işl.* Bir zady biri halar ýaly etmek, halamagy üçin ýagdaý döretmek, gowy gördürmek. *Özüňi ile halatmak aňsat däl.*

**HALATLAMA**, *iş ady.* Halatlamak ýagdaýy.

**HALATLAMAK**, *işl.* Halat-serpaý ýapmak, halat sowgat bermek.

**HALATLAMAKLYK**, *iş ady.* Halatlamak ýagdaýy.

**HALATLAÝYŞ**, *iş ady.* Halatlamak ýagdaýy.

**HALATLY**, *syp.* Egninde halady bolan.

**HALATLY** [ha:latly], *syp.* Gudratly, täsin güýçli.

**HALATLYK**, *at.* Halat ýa-da sowgat, sylag üçin niýetlenen (geýim, mata).

**HALATLYLYK**, *at.* Halady barlyk, halatly bolmaklyk.

**HALATLYLYK** [ha:latlylyk], *at.* Täsin güýçlülik, gudratlylyk.

**HALATMAK** [ha:latmak], *işl.* Birine bir zady, birini halar ýaly etmek.

**HALAT-SERPAÝ** [halasserpa:ý], *at.* Sylag üçin berilýän egin-eşik, mata, serpaý, halat.

**HALAT-SERPAÝLAMA** [halasserpa:ýlama], *iş ady.* Halat-serpaýlamak ýagdaýy.

**HALAT-SERPAÝLAMAK** [halasserpa:ýlamak], *işl.* Halat-serpaý ýapmak, halat-serpaý etmek.

**HALAT-SERPAÝLAMAKLYK** [halasserpa:ý-lamaklyk], *iş ady.* Halat-serpaýlamak ýagdaýy, işi.

**HALAT-SERPAÝLAÝYŞ** [halasserpa:ýlaýyş], *iş ady.* Halat-serpaýlamak ýagdaýy.

**HALAT-SERPAÝLYK** [halasserpa:ýlyk], *syp.* Halat-serpaý etmek üçin. *Halat-serpaýlyk don.*

**HALATSYZ** [halassyz], *syp.* **1**. Egninde halady ýok, halatly däl. **2**. Halat berilmedik, halat ýapylmadyk, edilmedik.

**HALAWAT** [hala:wat], *at, k. d.* Süýjülik, ýakymlylyk. *Kaýsyň halawaty aýan* ("Leýli – Mejnun").

**HALAÝYK** [hala:ýyk], *at.* Üýşen, toplanan adamlar, märeke, halk. *Eý, ýaranlar, halaýyklar, At wepadary ýigidiň* (Mätäji).

**HALAÝYŞ** [ha:laýyş], *iş ady.* Halamak ýagdaýy.

**HALHA**, *çal., ser.* **Holha** we **hanha**.

**HALK**, *at.* **1**. Bir ýurtda ýa-da bir döwletde ýaşaýan ilat. **2**. Belli bir millete, halkyýete degişli adamlar. **3**. Jemagat, adamlar, jemende. *– Haý, halk haw! – diýen ses uzakdan eşidilýär* (A. Gowşudow). **4**. Käbir kespkär aňladýan sozleriň yzyndan gelende, "pylan kärde we ş.m. bolup işleýän adam" manysyny aňladyp, söze gepleşik öwüşginini berýär. *Çopan halky çöle belet bolýar. Mugallym halky hemişe talap ediji bolar eken.*

◊ **Halk maslahaty** *taryh.* Garaşsyzlyk ýyllarynyň belli bir döwründe halk häkimiýetiniň ýokary wekilçilikli organy. *Türkmenistanyň Halk maslahatynyň nobatdaky mejlisi.* **Halk hojalygy** ýurduň ykdysadyýetiniň maddy önümçilik pudaklarynyň we maddy däl ugurlarynyň jemi. *Garagum çöli ýurdumyzyň halk hojalygynyň ösmegine özüniň täsirini ýetirýär* ("Galkynyş").

**HALKA**, *at.* **1**. Ýüpüň, ýüplügiň we ş.m. bir ujuny aýlap ikinji ujuna daňmagyň bir görnüşi. *Tanapyň ujuny halka et-de, gazykdan ildir.* **2**. Iki ujy aýlanyp bir-birine berkidilen tegelek, gurşaw. *Başlyk sazlyga girmänkä, köpegi tutduryp, onuň boýun halkasyna bag dakdyrdy* (B. Kerbabaýew). **3**. Bir topar adamyň aýlanyp, egelenip duran görnüşi, döwre. *Mejlis halkasyny gurmaň beýle az, Adam köpdür, ulug gurgul – diýdiler* (Magtymguly). *Ýaş ýigitler ýene gelşip, oturylyşyk halkasyna goşuldylar* (A. Gowşudow). **4**. *sport.* Gimnastika maşklary ýerine ýetirilýän iki sany aýratyn asylgy jübüt ýüpüň ujuna berkidilen türgenleşik enjamy. **5**. *sport.* Basketbol oýnunda içinden top geçirilýän aşagy torly enjam. *Oýunçylar gezekme-gezegine pökgini basketbol halkasyna oklaýarlar*. **6**. *maldarç.* Düýäniň kekirdewüginde gatap emele gelýän kesel. **7**. Gulakhalka.

◊ **Halka gurmak** biriniň ýa-da bir zadyň daşyna aýlanmak, töweregini gurşap almak.

**HALKALAMA**, *iş ady.* Halkalamak ýagdaýy.

**HALKALAMAK**, *işl.* **1**. Ýüpi, simi we ş.m. halka edip daňmak. **2**.Käbir jandaryň aýagyna, boýnuna, burnuna synag üçin kiçijik halka dakyp bellemek. **3**. Çar tarapyňy gurşap almak. *Dag degre-daşyňy halkalap durdy*.

**HALKALAMAKLYK**, *iş ady.* Halkalamak ýagdaýy, işi.

**HALKALANMAK**, *işl.* **1**. Halka edilip, halka bolup daňylmak. *Guşlaryň aýaklary halkalandy*. **2**. Ýellenip, halparyp, halka görnüşine gelmek, çala çişip pökgermek (göz aýtymy hakynda). **3**. Bir zadyň ýa-da biriniň daşyna halka bolup aýlanmak, halka gurmak, egelenmek.

**HALKALAŞMAK**, *işl.* Halkalamaga kömek etmek. *Arabanyň tigrini halkalaşmak.*

**HALKALATMAK**, *işl.* Birine halka etdirmek.

**HALKALAÝYN**, *hal.* Halka şekilinde, halka görnüşinde, tegelekleýin. *Saçagyň daşyna halkalaýyn aýlanyp oturdyk.*

**HALKALAÝYŞ**, *iş ady.* Halkalamak usuly, täri.

**HALKARA** [halka:ra], *syp.* **1**. Daşky syýasata, halklar, ýurtlar arasyndaky gatnaşyga degişli bolan. **2**. Halklar arasynda bolan, köp halka ýaýran.

**HALKY** [halky:], *syp., ser.***Halkylyk**.

**HALKYLAŞDYRMAK** [halky:laşdyrmak], *işl.* Halka, halkyň ruhuna, medeniýetine ýakyn etmek, halkyň durmuşy bilen baglanyşdyrmak.

**HALKYLAŞMA** [halky:laşma], *iş ady.* Halkylaşmak ýagdaýy.

**HALKYLAŞMAK** [halky:laşmak], *işl.* Halka, halkyň ruhuna, medeniýetine ýakyn durmak, ýakynlaşmak.

**HALKYLAŞMAKLYK** [halky:laşmaklyk], *iş ady.* Halkylaşmak ýagdaýy.

**HALKYLAŞYŞ** [halky:laşyş], *iş ady.* Halkylaşmak ýagdaýy.

**HALKYLYK** [halky:lyk], *at.* Halkyň ruhuny, onuň medeniýetini, dünýägaraýşyny aňladýan, milli özboluşlylyk.

**HALKYÝET**, *at.* Adamlaryň dil, ýerleşiş, ykdysadyýet we medeniýet taýdan umumylygy.

**HALLAN** [halla:n]**: hallan atmak 1**) *ser.* **Hallanlamak**. *Kepbämiz ýykyljak-ýykyljak bolup, hallan atyp durdy***. 2)** *göç.m.* Bir zadyň ugrunda alakjamak, selpemek, sergezdan bolmak. *Ejem bendäň gözýaş döküp, Gara günüň keşigin çekip, Hallan atyp öten ýeri* (K. Gurbannepesow).

**HALLANLAMA** [halla:nlama], *iş ady.* Hallanlamak ýagdaýy.

**HALLANLAMAK** [halla:nlamak], *işl.* Eýläk-beýläk yranmak, galgamak, çaýkanmak. *Indi bu ýogyn direg hem öý bilen birlikde hallanlap çaýkanýardy* (A. Gowşudow).

**HALLANLAMAZLYK** [halla:nlamazlyk], *iş ady.* Eýläk-beýläk yranmazlyk, galgamazlyk, çaýkanmazlyk..

**HALLANLAŞMAK** [halla:nlaşmak], *işl.* Birnäçe zat hallanlamak. *Çadyrlaryň gapy örtükleri aldygyna şarpyldap, darty ýüpleri batly hallanlaşýardy* (B. Gurbanow).

**HALLANLATMAK** [halla:nlatmak], *işl.* Hallanlar ýaly etmek. *Sallançagy hallanladyp üwredi.*

**HALLANLAÝYŞ** [halla:nlaýyş], *iş ady.* Hallanlamak ýagdaýy.

**HALLASLAMA** [halla:slama], *iş ady.* Hallaslamak ýagdaýy.

**HALLASLAMAK** [halla:slamak], *işl.*, *ýerli g.* Bir zadyň ugrunda yglamak, ýortmak, alakjamak, selpemek.

**HALLASLAMAZLYK** [halla:slamazlyk], *iş ady.* Bir zadyň ugrunda ylgamazlyk, ýortmazlyk, alakjamazlyk, selpemezlik.

**HALLASLAŞMAK** [halla:slaşmak], *işl.* Bir topar bolup hallaslamak. *Olaryň şol alada bilen hallaslaşyp ýörüşleri.*

**HALLASLATMAK** [halla:slatmak], *işl.* Hallaslamaga mejbur etmek. *Nawy derrew hallasladyp başlady, Ol bir gomdan, ol bir goma taşlady* (A. Kowusow).

**HALLASLAÝYŞ** [halla:slaýyş], *iş ady.* Hallaslamak ýagdaýy.

**HALLYŇ-SALLYŇ: hallyň-sallyň etmek** bir zady göwünli-göwünsiz, biperwaý ýerine ýetirmek, bir zada göwünli-göwünsiz ýapyşmak.

**HALLYŇ-SALLYŇLYK**, *at.* Bir zada nalajedeýinlik bilen ýapyşylmaklyk, çemeleşilmeklik.

**HALPA**, *at.* Satyjynyň çeküw daşlaryny barlamak üçin han-begler tarapyndan goýlan adam.

**HALPARMA**, *iş ady.* Halparmak ýagdaýy.

**HALPARMAK**, *işl.* **1**. Gowşap, aşak sallanmak, halpyk bolmak, gowşaşmak, sallanyp durmak. *Penjek halparyp dur. Telpeginiň eteginiň tüýi giden bir çal halparan alkymyny ýapdy* (B. Kerbabaýew). **2**. Giň bolmak, laýyk bolmazlyk. *Onuň eleşan geýimi halparyp durdy*.

**HALPARMAZLYK**, *iş ady.* Halparyp durmazlyk.

**HALPARTMAK**, *işl.* Halparar ýaly etmek, halpyk etmek.

**HALPARYŞ**, *iş ady.* Halparmak ýagdaýy.

**HALPY**, *syp., ser.* **Halpyk**.

**HALPYK**, *syp.* Halparyp duran, giň. *Onuň köýnegi egninde halpyk görünýärdi.*

**HALPYKLYK**, *at.* Halpyk bolup durmaklyk, halparyp durmaklyk.

**HALPYLDAMA** [halpyllama], *iş ady.* Halpyldamak ýagdaýy.

**HALPYLDAMAK** [halpyllamak], *işl.* Gowşap ýa-da giň, boş bolup sallanyp durmak, halpyk bolmak. *Onuň köwşi aýagynda halpyldap durdy*.

**HALPYLDAÝYŞ** [halpyllaýyş], *iş ady.* Halpyldamak ýagdaýy.

**HALPYLDY** [halpylly], *at.* Halpyldamak hereketi.

**HALPYRAK** [halpyra:k], *syp.* Biraz, birneme halpy.

**HALSYZ** [ha:lsyz], *syp.* Ysgyn-mejaly galmadyk, ysgynsyz, ragbatsyz, güýji gaçan.

**HALSYZLYK** [ha:lsyzlyk], *at.* Haly ýokluk, ysgyn-mejal ýokluk.

**HALTA**, *at.* Içine her hili zat salynýan, guýulýan mata ýa-da kagyz gap, kise.

**HALTA-HALTA**, *hal.* Birnäçe halta; köp sanly halta.

**HALTALAMA**, *iş ady.* Haltalamak ýagdaýy.

**HALTALAMAK**, *işl.* Bir zady halta salyp goýmak, halta salyp almak. *Harmandan alnan bugdaýy haltalap goýdular*.

**HALTALAP** [haltala:p], *hal.* Halta-halta edip, halta görnüşinde.

**HALTALAŞMAK**, *işl.* Halta salyşmak, halta salmaga kömek etmek.

**HALTALATMAK**, *işl.* Halta saldyrmak, halta salmaga mejbur etmek.

**HALTALAÝYŞ**, *iş ady.* Haltalamak ýagdaýy.

**HALT-HALT**, *s. ş. aňl. s.* Iki baka ylgap, haýsydyr bir işi bitirmek üçin edilýän hereket.

◊ **Halt-halta urmak** bir zadyň ugrunda selpemek, alakjamak, haltyldamak.

**HALTYLDAMA** [haltyllama], *iş ady.* Haltyldamak ýagdaýy.

**HALTYLDAMAK** [haltyllamak], *işl.* Bir zadyň ýa-da biriniň ugrunda alakjamak, selpemek, halt-halt edip ýörmek.

**HALTYLDAŞMAK** [haltyllaşmak], *işl.* Köp bolup haltyldap ýörmek. *Olar ertirden bäri işlerini düzetjek bolup haltyldaşyp ýörendirler.*

**HALTYLDATMAK** [haltyllatmak], *işl.* Haltyldar ýaly etmek. *Onsoň, erbet käýinjiräp, tulum ýaly salpy garnyny haltyldadyp, basganҫakdan çykyp gitdi* (T. Gurbanow).

**HALTYLDAÝYŞ** [haltyllaýyş], *iş ady.* Haltyldamak ýagdaýy.

**HALTYLDY** [haltylly], *at.* Haltyldap edilýän hereketiň ady.

**HALWA** [halwo], *at.* Künji, gant we ş.m. garylyp taýýarlanýan süýji iýmit. *Halwany hekim iýer, şallagy – ýetim* (Nakyl).

**HALWAÇY** [halwoçy], *at.* Halwa önümini taýýarlaýan we satýan adamynyň käri, hünäri. *Halwaçydan halwa almak.*

**HALWALYK** [halwoluk], *syp.* Halwa etmek üçin gerek bolan (önümler).

**HALY** [ha:ly], *at.* Dürli reňklerdäki ýüplerden çitilip dokalýan gymmat bahaly öý goşy, düşek, amaly-haşam sungatynyň bir görnüşi.

◊ **Haly ýüwürdip**, **kilim kesmek** iş başarmazlyk, işi harsal etmek, soňuna çenli alyp barmazlyk. *Her bir höwesjeňden bolarmy zergär? Haly ýüwürdip, kilim kesmek ne derkar?* (A. Kekilow).

**HALYÇA** [ha:lyça], *at.* Kiçiräk haly.

**HALYÇALYK** [ha:lyçalyk], *at.* Halyça dokamak üçin gerekli (erişlik, argaçlyk ýüpler).

**HALYÇUWAL** [ha:lyçuwol], *at.* Haly görnüşinde dokalyp, dula gerilýän çuwal.

**HALYÇY** [ha:lyçy], *at.* Haly dokaýan dokmaçy, haly dokamak, haly öndürmek bilen meşgullanýan hünärmen, ussat. *Türkmen halyçylary.*

**HALYÇYLYK** [ha:lyçylyk], *at.* **1**. Haly dokamaklyk sungaty, haly önümçiligi. **2**. Halyçynyň ýagdaýy, käri. *Halyçylyk bilen meşgullanmak.*

**HALYK** [ha:lyk] **I**, *at.* **1**. Düýä özbaşdak ýa-da howudynyň aşagyndan örküç ýeri deşilip salynýan galyň keçe. *Bu derýa balyklydyr, Düýämiz halyklydyr* (Halk döredijiliginden). **2**. Gelnalyjy gidende düýäni bezemek üçin howudyň üstünden atylýan begres ýa-da ýörite çitilip dokalýan haly esbap. *Ak kejebäň halygy, Akar suwuň balygy* (Halk döredijiliginden). *Düýeleriň howutlaryna halyklar gerilýärdi* (B. Kerbabaýew).

**HALYK** [ha:lyk] **II**, *at.* **1**. "Ýaradyjy, döredijі" diýen manyda ulanylýan söz. *Ýagşylyk et, derýa at, balyk biler, balyk bilmese, halyk biler* (Nakyl). *Başyň sag eýlesin ýaradan Halyk, Gutular hak özi berse şypalyk* (Şabende). **2**.Oglana dakylýan at.

**HALYKLAMA** [ha:lyklama], *iş ady.* Halyklamak ýagdaýy.

**HALYKLAMAK** [ha:lyklamak], *işl.* Düýäni howutlamazdan öň arkasyna halyk salmak ýa-da üşemez ýaly diňe halyk salyp, üstünden daňyp goýmak. *Sagylýan düýeleri halykladyk.*

**HALYKLANMAK** [ha:lyklanmak], *işl.* Halyk salynmak.

**HALYKLAŞDYRMAK** [ha:lyklaşdyrmak], *işl.* Birnäçe düýäni halyklap çykmak.

**HALYKLAŞMAK** [ha:lyklaşmak], *işl.* Halyklamaga kömek etmek.

**HALYKLATDYRMAK** [ha:lyklatdyrmak], *işl.* Birine halyk saldyrtmak.

**HALYKLATMAK** [ha:lyklatmak], *işl.* Halyk salar ýaly etdirmek.

**HALYKLAÝYŞ** [ha:lyklaýyş], *iş ady.* Halyklamak ýagdaýy.

**HALYKLY** [ha:lykly], *syp.* Halyk salnan.

**HALYKLYK** [ha:lyklyk], *syp.* Halyk etmek üçin, halyk eder ýaly (keçe we ş.m. zatlar). *Halyklyk keçe.*

**HALYKSYZ** [ha:lyksyz], *syp.* Halyk salynmadyk, halyklanmadyk.

**HALYLY** [haly:ly], *at.* Ir bişýän süýnmek görnüşli üzüm. *Halyly, jan halyly, Eşretiň kän halyly, Gapymyzda dalbaryň, Misli eýwan halyly* (M. Garryýew*).*

**HALYLYK** [ha:lylyk], *syp.* Haly dokamak üçin ýygnalan (ýüp, eriş we ş.m. gerekli zatlar). *Nabat bolsa iliň halylyk ýüpüni egrerdi ýa-da ýüpegini towlardy* (A. Gowşudow).

**HALYMSYRAMA** [ha:lymsyrama], *iş ady.* Halymsyramak ýagdaýy.

**HALYMSYRAMAK** [ha:lymsyramak], *işl.* Köpbilmişlik edip, öz ýagdaýyňy ýaramaz edip görkezjek bolmak. *Tilki şobada halymsyran bolup: – Eý, horaz dost, näme beýle ýokaryk çykypsyň-la! Ýere düş ahyry – diýip başlaýar* (Halk ertekilerinden).

**HALYMSYRAŞMAK** [ha:lymsyraşmak], *işl.* Birden köp bolup halymsyramak.

**HALYMSYRAÝYŞ** [ha:lymsyraýyş], *iş ady.* Halymsyramak ýagdaýy.

**HALYNA** [ha:lyna], *hal*. Eýeleýan ornuna, derejesine, umuman, ýagdaýyna garamazdan. *Çaga halyna hemme zady biljek bolýar.*

**HALYPA** [haly:pa], *at.* **1**. Öz hünärini, kärini şägirdine, kömekçisine öwredýän ussat. **2**. *gepl.d.* "Ýoldaş, gardaş, dost, şepe" diýen ýaly manyda ulanylýan ýüz tutma söz. *Halypa, bir aýak çekiň!*

**HALYPAÇYLYK** [haly:paçylyk], *at,ser.* **Halypalyk**.

**HALYPALYK** [haly:palyk], *at.* Halypa bolup hünär öwredijilik, halypanyň ýagdaýy, käri. *Wepa, Aman şu garrynyň halypalygy bilen özüniň tejribe işine başlady* (A. Gowşudow). *Halypalyk etmek.*

**HALYS** [ha:ly:s], *hal*. **1**. Bütinleý, gutarnykly, düýpden. *Myraly halys ysgyndan düşüpdir* ("Myraly"). **2**. *gepl. d.* Tüýs, çyn, sap. *Siz maňa halys ýürekden ynanyň*.

◊ **Halys bolmak 1)** gaty ýadamak, ysgyndan gaçmak, lütüň çykmak. *Güljahan ýöräp-ýöräp halys boldy, eňkamy gitdi* (Halk ertekilerinden). *Uzyn gije ýöredik, Ýadadyk, halys bolduk* (A. Alamyşow). **2)** irmek, bizar bolmak. **Halys etmek 1)** gaty ýadatmak, haldan düşürmek. **2)** irizmek, bizar etmek.

**HAL-ÝAGDAÝ** [ha:l-ýağdaý], *at.* Ýaşaýyş, durmuş, saglyk; hal-ahwal, gün-güzeran.

**HAM** [ha:m] , *at.* **1**. Sygyr, düýe we ş.m. mallaryň soýlup alnan derisi. **2**. Adamyň beden derisi. *Alkymynyň aşagynyň, eňekleriniň hamlary çalaja ýygyrt atyp başlapdy* (B. Seýtäkow). **3**. Esassyz; çig. *Jahyllykda çar tarapa atyşan, Bilmezlikde ham işlere gatyşan* (Magtymguly).

◊ **Ham bolmak** ýadap halys bolmak. **Ham etmek** bir zady çig, çala, el ujundan etmek. *Köse: – Gel, işimi ham etmäýin diýip, ... gapyň gädiginden gözledi* ("Görogly"). **Ham paýlaşýan ýaly** ala zenzele, goh, gopgun, gykylyk, wagyrdy. *Kyrk ýigit hem göýä ham paýlaşýan ýaly meýhananyň içinde gopgun göterdiler* ("Görogly"). **Hamy galňamak** diýlen, aýdylan gepi, käýinji ýüzüne almazlyk, gep ýokmazlyk, haýasy, ynsaby bolmazlyk. *Baý, seniňem hamyň galňapdyr-ow, saňa aýdylan söz kär edenok.* **Hamyna (derisine) saman dykmak** öldürmek, ýok etmek. **Hamyny soýmak** ezýet berip horlamak, zulum etmek; talaňa salmak.

**HAMALA** [hama:la], *bagl*. "Göýä diýersiň" manysynda deňeşdirmegi aňlatmak üçin ulanylýan söz. *Hamala çagalyk geçmejek ýaly, Çagalygyň kenarynda köp durdum* (G. Ezizow).

**HAMANA** [hama:na], *bagl., ser.* **Hamala**.

**HAM-ÇAM** [ham-çam]**: ham-çam bolmak** gepiňgürrüňiň alyşmak, göwnüňden turmak, ümmüldeşmek.

**HAM-ÇAMLYK** [ham-çamlyk], *at.* Ham-çam bolmaklyk.

**HAM-HYÝAL** [ha:m-hyýa:l], *at.* Boş arzuw, gury hyýal, netijesiz göwün ýüwürtme. *Olar jahyllygyň ham-hyýalydy, Şu günkä garanda ýaz şemalydy* (A. Kekilow).

**HAMMA**, *syp*. Öte gowşak, sansyz (çaga häsiýeti hakynda). – *Beýle hamma bolmazlar, dogumlyrak bol.*

**HAMMAL** [hamma:l], *at.* Kişiniň ýüküni kireýne daşaýan, göterýän, hammalçylyk edýän adam.

**HAMMALÇA** [hamma:lça] **I**, *at.* Dokalan aw torbasy.

**HAMMALÇA** [hamma:lça] **II**, *at.* Arka ýük batmazlyk üçin agaç, tagta, odun we ş.m. ýük çekýän ýükçiniň arkasyna ýapýan, keçeden edilen palany.

**HAMMALÇYLYK** [hamma:lçylyk], *at, ser.* **Hammallyk**.

**HAMMALLYK** [hamma:llyk], *at.* Hammalyň ýagdaýy, käri, hammalçylyk.

**HAMMAM** [hamma:m], *at.* Ýörite enjamlaşdyrylan suwa düşülýän jaý.

**HAMMAMÇA** [hamma:mça], *at.* Suwa düşülýän, ýuwnulýan otag hammamy.

**HAMMAMÇY** [hamma:mçy], *at.* Hammama suwa düşmäge gelýän adamlara hyzmat edýän hammam işgäri.

**HAMRAGRAK** [hamrağra:k], *syp.* Biraz, az-owlak hamrak. *Haýwanam öz eýesine hamragrak bolýar.*

**HAMRAK**, *syp.* Çagany, işi we ş.m. gowy görýän, olara mähirli garaýan. *Adam bigam bolýar ýaş boldugyça, Işe hamrak bolýar ýaş galdygyça* (K. Gurbannepesow).

**HAMRAKLYK**, *at.* Hamrak bolmaklyk.

**HAMSA**, *at, k.d.* **1**. Bäş. **2**. Bir şahyr tarapyndan ýazylan bäş dessandan, poemadan ybarat, hersi özbaşdak many-mazmunly edebi eser, kitap. *Nyzamynyň hamsasy.*

**HAMSYGYBERMEK** [hamsyğyvermek], *işl.* Aglamjyrabermek, hamsygyp başlamak.

**HAMSYGYŞ** [hamsyğyş], *iş ady.* Hamsykmak ýagdaýy.

**HAMSYGYŞMAK** [hamsyğyşmak], *işl.* Bilelikde hamsykmak.

**HAMSYKDYRMAK**, *işl.* Hamsygara getirmek, hamsykmaga mejbur etmek.

**HAMSYKMA**, *iş ady.* Hamsykmak ýagdaýy.

**HAMSYKMAK**, *işl.* Nebsiň agyryp ýa-da kemsinip, bogazyň dolup aglamjyramak, kemşermek. *Ullakan adamlaryň hamsygyp duruşlaryna oglanjyk geň galyp syn edýärdi* (G. Ezizow).

**HAMTOZ** [ha:mto:z], *at.* Köplenç, haly we haly önümleriniň gyra nagşyna salynýan, deň kesilen gözenegiň içine dürli reňkde üçburçluk şekilleri çitilýän nagyş.

**HAMYLA** [ha:my:la], *syp.* Aýagy agyr, göwreli, ikigat. *Adybeg soltanyň aýaly hamyla bolup, göwresinde çaga galdy* ("Görogly"). *Hasan wezir hem öz aýalynyň hamyla ekenin ýatlap, ol towşany atmaklyga eli barmady* ("Şasenem – Garyp").

**HAMYLADAR** [ha:my:lada:r], *syp.* Hamyla, göwreli, aýagy agyr.

**HAMYLADARLYK** [ha:my:lada:rlyk], *at.* Hamylanyň ýagdaýy, göwrelilik.

**HAMYLALYK** [ha:my:lalyk], *at.* Aýagy agyrlyk, göwrelilik, ikigatlyk.

**HAMYR** [hamy:r], *at.* **1**. Esasan, suw, duz garylyp, undan ýugrulan goýy önüm. *Hamyrym ajap barýandyr, tamdyra odun elteýin* (A. Durdyýew). **2**. Yşlary, agaç önüminiň jaýryk ýerlerini bitirmek, ýylmamak üçin owradylan ýanan hekden ýelim goşulyp ýasalýan süýgeşik madda.

◊ **Hamyrdan gyl sogrulan ýaly etmek** bir işi, hereketi örän mylaýymlyk bilen seresaply amala aşyrmak. *Seni hamyrdan gyl sogrulan ýaly edip alyp gaýdandyryn* ("Görogly"). **Hamyr gaby** iýenini ödemeýän, iş başarmaýan; bigaýrat.

**HAMYRÇA** [hamy:rça], *at,ösüml.d.* Otuň bir görnüşi.

**HAMYRLAMA** [hamy:rlama], *iş ady.* Hamyrlamak ýagdaýy.

**HAMYRLAMAK** [hamy:rlamak], *işl.* Hamyr çalyp berkitmek, ýelmemek. *Äpişgäniň aýnasyny hamyrlap, ýel geçmez ýaly edipdir.*

**HAMYRLANMAK** [hamy:rlanmak], *işl.* Kimdir biri tarapyndan hamyr çalynmak. *Äpişgäniň aýnalary hamyrlanypdyr.*

**HAMYRLAŞDYRMAK** [hamy:rlaşdyrmak], *işl.* Köp zady, ýeri we ş.m. hamyrlap çykmak.

**HAMYRLAŞMAK** [hamy:rlaşmak], *işl.* **1**. Hamyrlamaga kömekleşmek. *Oňa äpişgäniň aýnalaryny hamyrlaşdym.* **2**. Bilelikde hamyrlamak. *Ussalar gapylary hamyrlaşyp durdular.*

**HAMYRLATMAK** [hamy:rlatmak], *işl.* Başga birine hamyr çaldyrmak; hamyrlamaga mümkinçilik döretmek, ýol bermek. – *Kaka, äpişgeleri maňa hamyrlatsana!*

**HAMYRLAÝYŞ** [hamy:rlaýyş], *iş ady.* Hamyrlamak ýagdaýy.

**HAMYRLY** [hamy:rly], *syp.* Hamyr çalnan, hamyr bilen ýelmenen.

◊ **Hamyrly çörek** hamyrmaýa garylyp, aldyrylyp bişirilen çörek. *Ýylyjak hamyrly çörek bilen täze gowurmanyň başynda oturmagy Güjük hemmesinden gowy oňarar* (A. Gowşudow).

**HAMYRMAÝA** [hamy:rma:ýa], *at.* **1**. Hamyr ýugrulanda içine hamyr aldyrmak üçin garylýan bir bölek ajan hamyr, hamyrturşy. **2**. *göç.m.* Bir zadyň asly, asyl maýasy, özeni, esasy çeşmesi.

**HAMYRMAÝALY** [hamy:rma:ýaly], *syp.* Hamyrmaýa edilen, hamyrmaýa goşulan, hamyrmaýa ýugrulan. *Hamyrmaýaly çörek.*

**HAMYRMAÝALYK** [hamy:rma:ýalyk], *at.* Hamyr ýugrulanda indiki gezek hamyra garmak üçin aýrylyp goýulýan bir bölek hamyr, hamyrturşulyk. *Hamyryň bir bölegini hamyrmaýalyk goýdy.*

**HAMYRMAÝASYZ** [hamy:rma:ýasyz], *syp.* Hamyrmaýa goşulmadyk.

**HAMYRTURŞY** [hamy:rturşy], *at, ser.* **Hamyrmaýa**.

**HAMYRTURŞULYK** [hamyr:turşuluk], *at, ser.* **Hamyrmaýalyk**.

**HAMYT** [ha:myt], *at.* Araba goşulýan malyň boýnuna geýdirilýän esbap. *Atyň boýnuna hamyt geýdirmek.*

**HAMYTLABERMEK** [ha:mytla:vermek], *işl.* Hamyt geýdiribermek, salybermek.

**HAMYTLAMA** [ha:mytlama], *iş ady.* Hamytlamak ýagdaýy.

**HAMYTLAMAK** [ha:mytlamak], *işl.* Hamyt geýdirmek, salmak.

**HAMYTLANMAK** [ha:mytlanmak], *işl.* Hamyt geýdirilmek, salynmak.

**HAMYTLAŞMAK** [ha:mytlaşmak], *işl.* Hamyt geýdirmäge, salmaga kömekleşmek.

**HAMYTLATMAK** [ha:mytlatmak], *işl.* Hamytlamak işini başga birine etdirmek; hamytlamaga mümkinçilik bermek.

**HAMYTLAÝYŞ** [ha:mytlaýyş], *iş ady.* Hamytlamak ýagdaýy, hereketi.

**HAN** [ha:n], *at.* **1**. *taryh.* Türki we beýleki halklaryň birnäçesinde hökümdar. **2**. Gowy görlüp ýa-da göwnüýetmezçilik bilen ýüzlenilip aýdylýan söz. *Öwez han, biz olar bilen egri oturyp, dogry gürleşeris* (G. Kulyýew). **3**. Oglana dakylýan at.

**HANA** [ha:na], *at.* **1**. Gözüň ýerleşýän ýeri, okarasy, owasy. *Onuň hanalary ýaşdan dolup duran gara gözleri Nazary jadylan ýaly etdi* (B. Pürliýew). **2**. Pagta gozasynyň içindäki pagtaly öýjükler. *Annaguly käwagtlar bir hana sogrup, hut üç düýp gowaçanyň daşyndan bir sagatlap aýrylmady* (A. Durdyýew). **3**. *kön. s.* Jaý, öý, aýratyn ýer. *Ahyr boljagyň şudur, Teniň ýer bilen ýatsa, Işik, tüýnügi ýokdur, Garaňky hana geldiň* (Magtymguly).

**HANA**, *çal., ser.* **Hanha**.

**HANABIZAR** [ha:navi:za:r], *syp.* Bir zatdan halys bizar bolan, düýbünden iren, berçigen.

**HANABIZARLYK** [ha:navi:za:rlyk], *at.* Bir zatdan halys bizar bolanyň düşen ýagdaýy.

**HANAHARAP** [ha:nahara:p], *syp.* Bütinleý harap, wes-weýran, ýaramaz. *Işan, molla, baýa tarap bolmasyn, Bir tirýeki, hanaharap bolmasyn. Bize Soltanýazyň begligi besdir, Gaharguly, hanaharap, hoş imdi* (Seýdi).

**HANAHARAPLYK** [ha:nahara:plyk], *at.* Bütinleý harap, wes-weýran bolan ýagdaý.

**HANAKA**, *at.* Derwüşleriň oturymly ýaşan ýeri, jaýy, derwüşhana.

**HANAKERDE** [hanakerde], *syp.* Öýünde hojaýynçylyk edip bilýän, ederini bilýän. *Meniň gören wagtymdaky ýaş gelin indi hanakerde bir aýal bolupdyr* (A. Gowşudow).

**HAN-BEG** [ha:n-meğ], *at.* Hanlar hem-de begler.

**HAN-BEGLIK** [ha:n-meğlik], *at.* Hanlaryň hem-de begleriň ýagdaýy, derejesi, han-beg bolmaklyk.

**HANGAMÇY** [ha:nğamçy], *at.* Köplenç, haly çuwallaryň gyra nagşyna gamça meňzedilip salynýan göni, inçejik nagyş.

**HANGOÇAK** [ha:nğoçok], *at.* El işlerine salynýan ullakan, ýaýraň we dik nagyş.

**HANHA** [hanha:], *çal.* Uzakdaky bir zady görkezmek üçin ulanylýan söz.

**HANHAJYK** [hanha:jyk], *çal., ser.* **Hanhajykga**.

**HANHAJYKGA** [hanha:jykga:], *çal.* Golaýrakda bir zady, ýeri we ş.m. görkezmek üçin ulanylýan söz.

**HANJAK** , *çal., gepl. d.* Haýsy ugur, nirä, niräk. *Iliň ugry hanjak bolsa, şoňa* (Nakyl). *Oklarynyň hanjak gidenini hem bilmän galdylar* (A. Gowşudow).

**HANJAR**, *at.* **1**. Gysga saply, ujy inçe, iki tygynyň ýüzi ýiti sowuk ýarag, gama. *Eý, Saýat han, bu hanjary meniň bagrymdan urgul – diýdi* ("Saýatly – Hemra"). **2**. Oglana dakylýan at.

◊ **Hanjar urmak** erbet, ajy söz, habar aýdyp, örän gynandyrmak.

**HANJARLAMA**, *iş ady.* Hanjarlamak ýagdaýy.

**HANJARLAMAK**, *işl.* Hanjar bilen ýaralamak, hanjar sokmak, sünçmek. *Duşmany hanjarlamak.*

**HANJARLANMAK**, *işl.* Hanjar urlup ýaralanmak, hanjar bilen suhlanmak, hanjar sokulmak.

**HANJARLAŞMAK**, *işl.* Bir-biriňi hanjarlamak.

**HANJARLATMAK**, *işl.* Hanjarlamaga ýol bermek, mümkinçilik bermek, hanjar urdurmak.

**HANJARLAÝYŞ**, *iş ady.* Hanjarlamak ýagdaýy.

**HANLYK** [ha:nlyk], *at.* **1**. Hanyň tituly, ýagdaýy. **2**. Başynda han duran, han dolandyrýan ýurt.

**HANNAS** [hanna:s], *syp.* Husyt, gysganç, gysyk. *Bir sydyrgyn günüň ötse, Hannasyň eli bolmagyn* (Baýly şahyr).

**HANNASLYK** [hanna:slyk], *at.* Husytlyk, gysgançlyk, gysyklyk.

**HANÖÝJÜK** [ha:nöýjük], *at.* Arasy üzülmän gidýän birnäçe hüjre görnüşinde ak sapak bilen edilýän nagşyň ady.

**HANTAMA** [ha:ntama:], *syp.* Biriniň kömegine ýa-da bir zada göz dikýän, ymtylýan, tamakin, kömege we ş.m. garaşýan. *Ilden hantama bolma, Öz garyňa daýan sen* (K. Gurbannepesow).

**HANTAMAÇYLYK** [ha:ntama:çylyk], *at, ser.* **Hantamalyk**. *Asyl men sylag hantamaçylygy bilenem*

*gelmedim* (A. Gowşudow). *"Duzun dadyp geçiň!" / Uzaldy çörek, / Iki döwüm aldym ony üfläpler. Ýitewersin açlyk, hantamaçylyk, / Herne ýitip gitmäwersin şu däpler* (G.Ezizow).

**HANTAMALYK** [ha:ntama:lyk], *at.* Biriniň kömegine ýa-da bir zada göz dikmeklik, tamakinlik, hantamaçylyk. *Meniň hantamalygym hem onuň üstüne urna bolup düşýär* (B. Kerbabaýew).

**HANY**, **1**."Nirede, haýsy ýerde?" diýen ýaly many aňladýan sorag çalyşmasy. *– Hany Esen? – diýip, özüniň ýoldaşyny sorady* (H. Derýaýew). **2**. "Ýeri, ýeri bakaly" we ş.m. many aňladýan giriş sözi. *– Hany, Annaguly han, meniň yzyma bir düş* (A. Durdyýew).

**HANYM** [ha:nym], *at.* **1**. Özüňden kiçi ýaş ýetginjek oglanlara sypaýylyk bilen ýüzlenilip aýdylýan söz. **2**. Aýal maşgala hormat goýlup ýa-da ýüzlenilip aýdylýan söz.

**HANYMAN** [ha:nyma:n], *at.* Baýlyk, döwlet. *Iýeniň-içeniň siňmez janyňa, Perwaýsyz gararsyň hanymanyňa* (A. Kekilow).

**HANÝUMRUK** [ha:nýumruk], *at.* Haly we haly önümleriniň gyra nagşyna salynýan topbak nagşyň ady.

**HAŇKARMA**, *iş ady.* Haňkarmak ýagdaýy.

**HAŇKARMAK**, *işl.* Agzy açylyp durmak, içi zatsyz köwelip durmak.

**HAŇKARTMAK**, *işl.* Agzy açylyp, köwelip durar ýaly etmek.

**HAŇKARYŞ**, *iş ady.* Haňkarmak ýagdaýy.

**HAŇKARYŞMAK**, *işl.* Köp zat haňkaryp durmak. *Ululy-kiçili garaňky tamlar biri-birine bakyşyp, haňkaryşyp durdy* (G. Kulyýew).

**HAŇK-HUŇK: haňk-huňk etmek** göni jogapdan boýun gaçyrmak, gepläre gep tapmazlyk, sypjyk gürlemek. *Geldi okuw hakda gürrüň edilen ýerde uzak durman, haňk-huňk edip gidibererdi* (A. Durdyýew).

**HAŇLAMA**, *iş ady.* Haňlamak ýagdaýy.

**HAŇLAMAK**, *işl.* Içi boşap galmak. *Bu gowak obasy göçen beýik galanyň möçbersiz giň derwezeleri ýaly haňlap ýatyrdy* (A. Gowşudow). *Otaglar haňlap dur.*

**HAŇLAŞMAK**, *işl.* Birnäçe öýüň içi haňlap durmak, boş durmak. *Ol kepbelerimiz boş haňlaşyp ýatyr* (A. Gowşudow).

**HAŇLATMAK**, *işl.* Içini boş, haňlar ýaly edip goýmak. *Giň jaýy haňladyp goýupdyrlar.*

**HAŇLAÝYŞ**, *iş ady.* Haňlamak ýagdaýy.

**HAŇZAMA**, *iş ady.* Haňzamak ýagdaýy.

**HAŇZAMAK**, *işl., ser.* **Haňlamak**. *Galardy yzynda dykyz, dok körek, Hem-de haňzap boşan gury çaňňalak* (J. Ilmyradow).

**HAŇZAMAKLYK**, *iş ady.* Haňzamak ýagdaýy.

**HAŇZAŞMAK**, *işl.* Köpüsi, bary haňzap durmak.

**HAŇZATMAK**, *işl.* Içini boşadyp goýmak, haňzar ýaly etmek.

**HAŇZAÝYŞ**, *iş ady.* Haňzamak ýagdaýy.

**HAP**, Köplenç, gara ary, bili inçe ullakan gyzyl ary kowlanda aýdylýan ümlük.

**HAP** [ha:p], *ser.* **Hab**. *Magtymguly, hoş hap içre ýatyrdym, Emrine uçradym, iman getirdim* (Magtymguly).

**HAPA**, **1**. *at.* Süpürilip bir ýere üýşürilip goýlan ýa-da ýaýrap ýatan, zyňlan zatlar, taşlandy, süplük. **2**. *syp.* Tozan, her hili galyndy, süplük zatlar basyp ýatan, arassa bolmadyk. *Arabanyň hapa tigrine ýaplanyp, ýerde ýagşy ornaşyp oturdy* (H. Derýaýew). *Jaýyň içi hapady.* **3**. *syp.* Kirli.

◊ **Hapa bolmak** keýpiň bozulmak, gaýgylanmak, gynanmak, gamlanmak. **Hapa bulaşmak** erbet, ýaramaz işe baş goşmak. **Hapa söz** gödek, sögünç söz.

**HAPAÇYL**, *syp.* Hapaçylyk bilen oňuşýan. *Hapaçyl adam.*

**HAPAÇYLLYK**, *at.* Hapaçyl bolmaklyk.

**HAPAÇYLYK**, *at, ser.* **Hapalyk**.

**HAPA-HUPA** [hapa-hupo], *at, ser.* **Hapa-supa**.

**HAPA-HUPALYK** [hapa-hupoluk], *at, ser.* **Hapa-supalyk**.

**HAPALAMA**, *iş ady.* Hapalamak ýagdaýy.

**HAPALAMAK**, *işl.* **1**. Hapa etmek, hapa bulamak, hapa degirmek, kirletmek. *Eliňi hapalamak. Eşigiňi hapalamak.* **2**. Bir zat garyp ýa-da basgylap, iýer-içer ýaly etmezlik. *Suwy hapalamak.* **3**. *göç.m.* Biriniň at-abraýyna dil ýetirmek, biabraý etmek.

**HAPALAMAKLYK**, *iş ady.* Hapalamak ýagdaýy.

**HAPALANMAK**, *işl.* Hapa bolmak. *Pejiň başyna gujagyny dolduryp getirýär-de, ýalaňy odun dökýär, içeri hapalanýar* (N. Saryhanow).

**HAPALAŞDYRMAK**, *işl.* Köp zady, köp ýeri hapalamak.

**HAPALATDYRMAK**, *işl.* Hapa etdirmek, çirk ýokdurtmak.

**HAPALATMAK**, *işl.* Hapa etdirmek. *Guýynyň suwuny hapalatmaň!*

**HAPALAÝYŞ**, *iş ady.* Hapalamak ýagdaýy.

**HAPALYK**, *at.* Hapa halda bolmaklyk, arassa dällik, päkize dällik.

**HAPA-SUPA** [hapa-supo], *at.* Zir-zibil hapa zatlar, taşlandylar.

**HAPA-SUPALYK** [hapa-supoluk], *at.* Zir-zibilleriň üýşen ýeri.

**HAPBA**, *hal.* Şol bada, dessine, birden (ys bilen baglylykda ulanylýar). *Ýanan däriniň porsy ysy hapba burnuma urdy* (A. Gowşudow). *Ol adam eglip gol gowşurandan, aragyň ýakymsyz ysy hapba burnuma urdy* (T. Gurbanow).

**HAPGYRTMA**, *at, lukmanç.* Ýokanç çaga keseli (gulak ýanyndaky mäzleriň çişmesi, gulak mäzleriniň sowuklamasy).

**HAPLAMA** [haplama], *iş ady.* Haplamak ýagdaýy.

**HAPLAMAK** [haplamak], *işl.* Gyzgyn howur, ys ýa-da sowuk şemal birden burnuňa, ýüzüňe urmak. *Oduň howry onuň ýüzüne haplap urdy.*

**HAPLAMAKLYK** [haplamaklyk], *iş ady.* Haplamak ýagdaýy.

**HAPLAÝYŞ** [hapylaýyş], *iş ady.* Haplamak ýagdaýy.

**HAPLYK-SÜPLÜK [haplyk-süplük]** *hal, ser.* **Hapa-supa**.

**HAPYR-HUPUR: hapyr-hupur etmek** – çeýnäp-çeýnemän, çalt ýuwutmak, çala çeýnäp iýmek, nebsewürlik bilen iýip gutarmak.

**HAPYR-SUPUR**, *at.* Her hili galan-gaçan taşlandy, köne-küşül, süplük. *Bularyň ýatan ýeri sygryň ýatagy ýaly, aňry-bäri taşlanan jaý bolmaga çemeli, hapyr-supurlar bulaşyp ýatyrdy* (A. Gowşudow).

**HAPYR-SUPURLYK** [hapyr-supurluk], *at.* Hapanyň köp üýşen ýeri, köp ýeri.

**HAPYSA** [hapy:sa], *syp.* **1**. Arassaçylygy saklamaýan, arymsy bolmadyk; hapa. *Köňlüň söýen hapysany berseler, Ol gözüňe tomagaly gyz bolar* (Seýdi). **2**. *ser.* **Hapa 2**. *Hapysa ýer.*

**HAPYSALYK** [hapy:salyk], *at.* **1**. Arassaçyl dällik, hapa zatlary seljermezlik, kirlilik, çorlulyk. *Onuň hapysalygyny aýdar-diýer ýaly däl.* **2**. Hapa bolup ýatmaklyk, hapyr-supurlyk. *Köçeleriň hapysalygyna ýol bermek bolmaz.*

**HAPYSAÇYLYK** [hapy:saçylyk], *at, ser.* **Hapysalyk**.

**HAPYZ** [ha:pyz], *at, k.d.* **1**. Goşgy-şygyrlary, aýry-aýry eserleri ýat tutup aýdýan adam. *Hapyzym Gurhan okysa, Hoş owaz istär köňül* (Gaýyby). **2**. Oglana dakylýan at.

**HAR**, *at.* Eşek.

◊ **Har gulak** ullakan gulak, harry gulak.

**HAR** [ha:r] **I**, *syp.* Ruhy we maddy taýdan pese düşen, ugry gaçan, hor-homsy. *Goç ýigitler har görüner, Eginden-başdan aýrylsa* (Talyby).

◊ **Har bolmak** gadyr-gymmatyň gaçmak, bigadyr, arzysyz bolmak. *Zalymlar har bolar, galar aýakda* (Magtymguly). **Har düşmek** hor-homsy bolmak, horluk görmek, horlanmak. *Dirilik galmandyr mende, Bu gün har düşüpsiň sen-de* ("Görogly"). **Har etmek** bigadyr etmek, sarpasyny peseltmek, gadyryny gaçyrmak. *Ýaramaz gylygyň har edýän adamy azmy näme?* **Har saklamak** ugruna seretmezlik, idegsiz galdyrmak. *Bagynyň içini bejerip, hiç wagt ony har saklamandyr* (A. Gowşudow).

**HAR** [ha:r] **II**, *at, kön. s.* Tiken, ýandak. *Gyzyl gülüň degresinde har biter* ("Saýatly – Hemra"). *Yşkyň söwdasyna salyp serimi, Gül diýip istänim, hara uçraşdym* (Talyby).

**HARA** [ha:ra], *syp.* Erbet, ýaman, ýaramaz. *Gözeliň bolmaz harasy* (Kemine).

**HARABA** [hara:va], *at.* Ýykylyp, ýumrulyp galan jaýlaryň ýeri. *Köne Marynyň harabasy eýleligine-beýleligine onlarça kilometre uzaýardy* (B. Kerbabaýew).

**HARABAÇYLYK** [hara:vaçylyk], *at, ser.* **Harabalyk 1**, **2**.

**HARABALY** [hara:valy], *syp.* Haraba bolup galan ýerli.

**HARABALYK** [hara:valyk], *at.* **1**. Haraba bolup, ýykylyp-ýumrulyp ýatan jaýlaryň, ýurduň ýeri, harabaçylyk. *Şol goýunlaryň eýesiniň ýaşaýan obalarynyň gündogar tarapynda bir harabalyk bardyr* (Halk ertekilerinden). **2**. *göç.m.* Derbi-dagynlyk.

**HARAJAT** [haraja:t], *at, ser.* **Harç**.

**HARAJATLYK** [haraja:tlyk], *at, ser.* **Harçlyk**.

**HARAM** [hara:m], *syp.* **1**. Yslam dininiň kada-kanunyna laýyklykda gadagan edilen, ygtyýar edilmedik, şerigata laýyk gelmeýän, halal däl (iýmek-içmek, eýeçilik etmek we ş.m. ýaly zatlar hakynda). **2**. *göç. m.* Nejis, ýigrenji, ýaman niýetli, haramzada (adam hakynda). – *Haý, ýeňsäň gursun, bedasyl, haram eşek!* (H. Derýaýew). – *Çek goluňy, haram gul! – diýip, elini siltäp aldy* (G. Kulyýew).

◊ **Harama çykmak** ýaramly, ýararly, iýlip-içilýän zat biderek zaýa bolmak, isrip bolmak, zaýalanmak. **Haram bolmak** eden işiň, gazanan zadyň özüňe nesip etmezlik. **Haram iýmek** kişi hakyny iýmek, öz gazanjyňa kaýyl bolmazlyk. *Parhyny aňlamaý haram iýer sen* (Magtymguly). **Haram ölmek 1)** damagy çalynman ölmek (mal hakynda). **2)** idegsiz ölüp gitmek (adam hakynda).

**HARAMÇYBYK** [hara:mçy:vyk], *at.* **1**. Boýy 60-150 *sm-e* ýetýän, ýarym gyrymsy we köp ýyllyk ýabany derman ösümlik. **2**. Üzümiň hasyl getirmeýän çybygy.

**HARAMÇYL** [hara:mçyl], *syp.* Haramçylyga ýüz uragan, haramlyk edegen.

**HARAM-HALAL** [hara:m-hala:l], *syp., ser.* **Halal-haram**.

**HARAMHOR** [hara:mho:r], *syp.* Haram, bikanun hereket etmekden çekinmeýän, ogurlyk-jümrülikden gaýtmaýan. *Tagamda tabakdaş bolma, Üflis, haramhor biläni* (Magtymguly).

**HARAMHORLYK** [hara:mho:rluk], *at.* Haramhoryň ýagdaýy, käri. *Haramhorlyga orun bolmaly däldir.*

**HARAMLAMA** [hara:mlama], *iş ady.* Haramlamak ýagdaýy.

**HARAMLAMAK** [hara:mlamak], *işl.* Haram etmek, halal zady harama çykarmak, iýer-içer ýaly etmezlik.

**HARAMLAMAKLYK** [hara:mlamaklyk], *iş ady.* Haramlamak ýagdaýy.

**HARAMLAÝYŞ** [hara:mlaýyş], *iş ady.* Haramlamak ýagdaýy.

**HARAMLYGYNA** [hara:mlyğna], *hal.* Düýe, sygyr we ş.m. mallaryň ilki adaty wagtyndan ir gaýmagyna, botlamagyna, guzlamagyna degişlilikde aýdylýan söz. *Haramlygyna botlamak.*

**HARAMLYK** [hara:mlyk], *at.* Halal dällik, kada--kanuna laýyk gelmezlik, arassa dällik.

**HARAMY** [hara:my], *syp.* Ahlak taýdan bozulan, azgyn, haramzada. *Süňňi haramylar gaýtmaz raýyndan, Ýaşy gaýdyp, sakgal agarmak bilen* (Zelili).

**HARAMYLYK** [hara:mylyk], *at.* Ahlak taýdan bozulanlyk, azgynlyk, haramzadalyk.

**HARAMÝAGY** [hara:mýa:ğy], *syp.* Haramylyk edýän, haramçylyga özüni aldyran.

**HARAMZADA** [hara:mza:da], *syp.* **1**. *ser.* **Haram 2**. ″Haramydan dogan, bozgak, ugursyz, ýaramaz, asylsyz″ manysynda käýelip, sögülip aýdylýan söz.

**HARAMZADAÇYLYK** [hara:mza:daçylyk], *at, ser.* **Haramzadalyk**. *Haramzadaçylyk etmek.*

**HARAMZADALYK** [hara:mza:dalyk], *at.* Örän ýaramaz, gabahatçylykly iş, bozgaklyk, ýaramaz hereket, haramzadaçylyk.

**HARAP** [hara:p], *syp.* **1**. Bozulyp zaýa bolan, bozuk, sandan çykan. **2**. Ugry gaçan, ýaramaz.

◊ **Harap bolmak 1)** ulanyşdan galmak. *Ýa ýolda maşyn harap boldumyka?* (A. Gowşudow). **2)** zaýalanmak, haraplanmak, erbetleşmek. *Dogrudan hem, munuň ýaly kän okasaň, gözüň harap bolaýmasyn* (B. Pürliýew). **3)** ýoldan çykmak, bozulmak, azmak. **Harap etmek** bibatlamak, zaýalamak, haraplamak. *Şol batly gaýdyşyna tara gazygy böwrümi harap etse-de ederdi* (A. Gowşudow).

**HARAPÇYLYK** [hara:pçylyk], *at.* Zaýaçylyk, bibatçylyk.

**HARAPÇYLYKLY** [hara:pçylykly], *syp.* Harap etmäge gönükdirilen, harapçylyga ýugrulan.

**HARAPLABERMEK** [hara:pla:vermek], *işl.* Haraplap başlamak, zaýalabermek.

**HARAPLAMA** [hara:plama], *iş ady.* Haraplamak ýagdaýy.

**HARAPLAMAK** [hara:plamak], *işl.* **1**. Derege ýaramaz ýaly etmek, sandan çykarmak, weýran etmek. *Maşyny haraplamak*. **2**. Bulam-bujar edip zaýalamak, görer ýaly etmezlik. *Mallar agyldan çykyp, howlyny haraplapdyr.* (A. Gowşudow). **3**. Zaýa etmek, bisarpa tutup, harama çykarmak, isrip etmek, zaýalamak. *Ýyglan pomidorlary wagtynda tabşyrman haraplapdyrlar*. **4**. Bir zada belli bir derejede zyýan ýetirmek. *Gelegurt ordasy süriniň köpüsini haraplapdyr.*

**HARAPLAMAKLYK** [hara:plamaklyk], *iş ady.* Haraplamak ýagdaýy.

**HARAPLANMAK** [hara:planmak], *işl.* Harap bolmak, sandan çykmak. *Çakyşan maşynlaryň ikisi hem haraplanypdyr.*

**HARAPLANYLMAK** [hara:planylmak], *işl.* Harap edilmek.

**HARAPLATDYRMAK** [hara:platdyrmak], *işl.* Harap etdirtmek, sandan çykartmak.

**HARAPLATMAK** [hara:platmak], *işl.* Başga biriniň harap etmegine ýol bermek, mümkinçilik döretmek. *Maşyny haraplatmak. Nahary haraplatmak. Sürini möjege haraplatmak*.

**HARAPLAÝYŞ** [hara:plaýyş], *iş ady.* Haraplamak ýagdaýy.

**HARAPLYK** [hara:plyk], *at,ser.* **Harapçylyk**.

**HARASAT** [harasa:t], *at.* **1**. Tozan gatyşykly turýan güýçli ýel, apy-tupan, gaý. *Güýçli harasat.* **2**. *göç.m.* Uly gowga, jenjel, gopgun, söweş. *Duşmanyň başynda gopdyrys harasat* (N. Pomma). **3**. *göç. m.* Adamda ýüze çykýan içki güýçli howsala. *Magtymgulynyň ýaraly kalbynda harasat gopdy* (G. Kulyýew).

**HARASATLY** [harasa:tly], *syp.* Harasat turan, harasat gopan. *Harasatly gün*.

**HARAÝ**, *at.* Biri tarapyndan berilýän kömek, goldaw, ýardam. *Birisinden gördüm azajyk haraý* (K. Gurbannepesow). *Birinden haraý islemek*.

**HARAZ**, *at.* Galla üwelýän kärhana, şonuň ýalyda galla üwemek üçin enjamlaşdyrylan jaý, degirmen. Ş*ol obanyň ýokarsynda sowgut edilen bir mesene bolup, onuň gutaran ýerinde un harazy bardy* (B. Kerbabaýew).

**HARAZÇY**, *at.* Haraz eýesi; harazda işleýän işgär, degirmençi, kilwan.

**HARAZMAN** [harazma:n], *at, ser.* **Harazçy**. *Harazman eline düşse algyr baz, Ganatdan aýrylar, gadryn näbilsin* (Magtymguly).

**HARBAN** [harva:n], *at, kön.s.* Eşek sürüsini bakýan, oňa gözegçilik edýän adam. **HARBANLYK** [harva:nlyk], *at, kön. s.* Harbanyň käri; harban bolmaklyk.

**HARBY** [harvy:], *syp.*Goşuna, goşunçylyga, goşunçylyk gullugyna, urşa, urşuň zerurlyklaryna niýetlenen we ş.m. degişli. *Annaguly aňyrdan başy papakly, egni harby geýimli ýylgyryp geldi-de, salam berdi* (A. Durdyýew). *Harby lybas.*

◊ **Harby gullukçy** hakyky harby gullukda ýören adam. **Harby güýçler** ýaragly güýçler. **Harby-deňiz güýçleri** deňiz goşunlaryna degişli bolan, deňiz goşunlary bilen baglanyşykly güýçler. **Harby-howa güýçleri** duşmanyň

uçarçylyk, guryýer we deňiz toparlanyşyklaryna, onuň edara ediş-syýasy, senagat, ykdysady merkezlerine we ş.m. zarba urmak üçin niýetlenen howa güýçleriniň görnüşi.

**HARBYLARÇA** [harvy:larça], *hal.* Harby ýagdaýda, harby görnüşde. *Harbylarça salam bermek*.

**HARBYLAŞDYRMA** [harvy:laşdyrma], *iş ady.* Harbylaşdyrmak ýagdaýy.

**HARBYLAŞDYRMAK** [harvy:laşdyrmak], *işl.* Harby ýagdaýa getirmek, harby düzgüne salmak. *Senagaty harbylaşdyrmak*.

**HARBYLAŞDYRYLMAK** [harvy:laşdyrylmak], *işl.* Harby ýagdaýa geçirilmek, harby düzgüne salynmak.

**HARBYLAŞDYRYŞ** [harvy:laşdyryş], *iş ady.* Harbylaşdyrmak ýagdaýy.

**HARBYLAŞMAK** [harvy:laşmak], *işl.* Harby ýagdaýa geçmek.

**HARÇ**, *at.* Eklenç, ýaşaýyş, güzeran we ş.m. üçin zerur bolan serişde, harajat, pul.

◊ **Harç etmek** sarp etmek, sowmak, ýoklamak, harçlamak. *Pul bolar-da, harç edere ýer tapylmazmy?* (B. Gurbanow).

**HARÇAŇ: agzyňy harçaň urmak** birine diýmesiz sözleri diýmek, igenmek. *Agzyň harçaň urma bu gyzy görüp, Aýdaryn baryny, birin gizlemen* (A. Kekilow).

**HARÇAŇLAŞMA**, *iş ady.* Harçaňlaşmak ýagdaýy. *Aýal bilen harçaňlaşmany özüne laýyk bilmäni üçin sesini çykarman, diňe ajymtyk ýylgyrdy* (B. Kerbabaýew).

**HARÇAŇLAŞMAK**, *işl.* Bir-biriňe söz gaýtarmak, agyz deňeşip durmak, käýişmek. *Olar bilen harçaňlaşyp durmaga men-ä çekinýän.*

**HARÇAŇLAŞMAKLYK**, *iş ady.* Harçaňlaşmak ýagdaýy.

**HARÇAŇLAŞYK**, *at.* Bir-biriňe söz gaýtaryşyp, agyz deňeşip durmaklyk.

**HARÇAŇLAŞYŞ**, *iş ady.* Harçaňlaşmak ýagdaýy.

**HARÇEŇ**, *at, kön.s.* Leňňeç. *Kölde harçeň abaý urar,Ýok ýerinde mara ezber* (Çary Afzal).

**HARÇ-HARAJAT** [harç-haraja:t], *at, ser.* **Harç**.

**HARÇLABERMEK** [haryşla:vermek], *işl.* Harç edibermek, sowubermek.

**HARÇLAMA** [haryşlama], *iş ady.* Harçlamak ýagdaýy.

**HARÇLAMAK** [haryşlamak], *işl.* **1**. Ýaşaýyş, güzeran üçin pul, harjy, galla we ş.m. zady harç etmek, sowmak. **2**. Bisarpa tutup ýok etmek, tüketmek, sarp etmek.

**HARÇLAMAKLYK** [haryşlamaklyk], *iş ady.* Harçlamak ýagdaýy.

**HARÇLANMAK** [haryşlanmak], *işl.* Harç edilmek, harajat çykarylmak, sarp edilmek.

**HARÇLANYLMAK** [haryşlanylmak], *işl., ser.* **Harçlanmak**.

**HARÇLATDYRMAK** [haryşlatdyrmak], *işl.* Harçlar ýaly etdirmek.

**HARÇLATMAK** [haryşlatmak], *işl.* Harçlara mümkinçilik bermek, harçlamaga sarp etdirmek. *Pul harçlatmak.*

**HARÇLAÝYŞ** [haryşlaýyş], *iş ady.* Harçlamak ýagdaýy.

**HARÇLYK** [haryşlyk], *at, ser.* **Harjylyk**. *Ýola harçlyk bermek.*

**HAR-HAMYR** [ha:r-hamy:r], *at, ser.* **Harty-hurty**. *Içindäki har-hamyrlaryň gyzan bazarda gara şaýa geçmejegini bilýärin*.

**HARJY**, *at.* Ýaşaýyş, gün-güzeran üçin zerur bolan sowalga. *Harjyň gutarmak.*

**HARJYLANMA**, *iş ady.* Harjylanmak ýagdaýy.

**HARJYLANMAK**, *işl.* Işläp, odur-budur satyp, ýaşaýyş, güzeran üçin sowalga edinmek.

**HARJYLANYŞ**, *iş ady.* Harjylanmak usuly, täri.

**HARJYLYK**, *at.* Harç, harajat üçin zerur bolan sowalga, sowgut, harçlyk, harajatlyk. *Japbaklar birnäçe gün gamyş satyp, özlerine birneme harjylyk toplamak küýüne düşdüler* (B. Kerbabaýew).

**HARLABERMEK** [harla:vermek], *işl.* Harryldyly ses edibermek, harryldyly seslenibermek.

**HARLABERMEK** [ha:rla:vermek], *işl.* Bir zady har tutubermek, hor-homsy saklabermek.

**HARLAMA**, *iş ady.* Harlamak ýagdaýy.

**HARLAMA** [ha:rlama], *iş ady.* Harlamak ýagdaýy.

**HARLAMAK**, *işl.* Harryldyly ses çykarmak, harryldyly seslenmek. *Reýhan zaňňar bir beýik sypalyň üstünde harlap ýatyr* (“Görogly”). *Goňşy öýdäki aýalyň üweýän degirmeni harlaýardy* (B. Kerbabaýew).

**HARLAMAK** [ha:rlamak], *işl.* Birini ýa-da bir zady har tutmak, har, hor-homsy saklamak, aýawly saklamazlyk.

**HARLAMAKLYK** [ha:rlamaklyk], *iş ady.* Harlamak ýagdaýy.

**HARLANMAK** [ha:rlanmak], *işl.* Har saklanmak, har edilmek.

**HARLAŞMAK**, *işl.* Köp bolup harlamak, harryldyly seslenmek. *Olaryň şol harlaşyp ýatyşlary.*

**HARLATMAK**, *işl.* Harryldyly seslendirmek. *Gazap bilen turmak üçin omzady, Hyrçyn dişläp, bokurdagyn harladyp* (N. Pomma).

**HARLATMAK** [ha:rlatmak], *işl.* Har etdirmek, hor-homsy saklatmak.

**HARLAÝYŞ**, *iş ady.* Harlamak ýagdaýy.

**HARLAÝYŞ** [ha:rlaýyş], *iş ady.* Harlamak ýagdaýy.

**HARLYK** [ha:rlyk], *at.* Har ýagdaýda bolmaklyk, bigadyrlyk, hor-homsulyk. *Horluk-da, harlyk-da barysy şondan, Hiç syrym, eje jan, gizlemen senden* (A. Kekilow).

**HARMAN**, *at.* **1**. Döwek döwmek üçin orlup üýşürilen däneli ösümlikler, olardan alnan galla hasyly hem-de şol hasyl üýşürilen ýer. *Gije-gündiz dynman orup, harmany tegeläp ýokary galdyrýardylar* (A. Durdyýew). **2**. Umuman, ýygnalan, bir ýere üýşürilen hasyl (esasan, pagta hakynda). *Ak harmanlar Köpetdag dek beýgelsin, Ondan Watan kuwwat alar, gurp alar* (M. Seýidow). *Pagta harmany*.

◊ **Harman atmak** döwlüp üýşürilen hasyly şemala sowrup arassalamak. **Harmanyňa bereket!** ″Hasylyň egsilmesin, bereketli bolsun″ diýen manyda ulanylýan söz düzümi. **Harman ýaly** örän köp üýşürilen bir zadyň uly üýşmegi.

**HARMANÇY**, *at.* Harmanda işleýän işgär.

**HARMAN-HOŞA** [harman-ho:şo], *at.* Harman, hasyl we ş.m. ýygnama işi.

**HARMANJAÝ** [harmanja:ý], *at, ser.* **Harmanýer**.

**HARMANLYK**, *at.* Köp, birnäçe harman üýşürilen ýer. *Biz irden harmanlyga ugradyk.*

**HARMANÝER**, *at.* Döwek döwmek üçin harman üýşürilip taýýarlanylýan ýer.

**HARP** [haryp], *at.* Bir diliň elipbiýiniň, esasan, belli bir sese laýyk bolan ýazuw belgisi. *Baş harp. Setir harpy.*

**HARPLYK** [haryplyk], *at.* Başlangyç sowat öwredýän kitap.

◊ **Harplyk baýramy** 1-nji synp okuwçylarynyň harplary doly öwrenenlerinden, özleşdirenlerinden soň geçirýän dabaraly ýygnanyşygy.

**HARPMA-HARP** [harypma-haryp], *hal.* Her harp boýunça, ýekän-ýekän, setirme-setir, sözme-söz, jikme-jik.

**HARPY-HURPY**, *at.* Taşlanan, üýşürilen aňry-bäri, köne-küşül zatlar. *Aljyraňňylyk arasynda özüni saman dölä atyp, harpy-hurpularyň astynda gizlenmek küýüne düşdi* (B. Kerbabaýew).

**HARPYK**, *at.* Galla önümleriniň daşky gabygy.

**HARPYKLY**, *syp.* Harpygy bolan, düzüminde harpyk saklaýan.

**HARPYKSYZ**, *syp.* Düzüminde harpygy bolmadyk.

**HARRAT** [harra:t], *at.* **1**. *kön.s.* Agaç ussasy. **2**. Ik, oklaw ýaly gurallary ýasamak üçin el we aýak bilen işledilýän gural.

**HARRY**, *syp.* Öňe garşy gabaryp duran, uly, gaba, har gulak (gulak hakynda). *Harry gulak adam.*

**HARRYLDABERMEK** [harrylla:vermek], *işl., ser.* **Harlabermek**.

**HARRYLDAMA** [harryllama], *iş ady.* Harryldamak ýagdaýy.

**HARRYLDAMAK** [harryllamak], *işl., ser.* **Harlamak**. *Motoryň harryldap çykýan sesi eşidildi.*

**HARRYLDAŞMAK** [harryllaşmak], *işl.* Birnäçe zat harryldamak. *Motorlar harryldaşyp gitdiler*.

**HARRYLDATDYRMAK** [harryllatdyrmak], *işl.* Birine bir zady harryldatmaga mejbur etmek.

**HARRYLDATMAK** [harryllatmak], *işl.* Harryldyly seslendirmek.

**HARRYLDAÝYŞ** [harryllaýyş], *iş ady.* Harryldamak ýagdaýy.

**HARRYLDY** [harrylly], *at.* Motor işledilende, hor çekilende we ş.m. ýagdaýlarda döreýän sesiň ady. *Uzyn gije köçeden geçýän maşynlaryň harryldysy ýatmady.*

**HARRYLDYLY** [harryllyly], *syp.* Harryldy sesli, harryldy sesini ýaňlandyrýan.

**HARS: hars urmak** bir zadyň ugrunda alakjamak, jan çekmek; howlukmaç hereket etmek.

**HARSAL** [ha:rsal], *syp.* Hil taýdan pes, ugursyz, çalak-çulak, göwünli-göwünsiz, ýüzleý, el ujundan ýerine ýetirilen (iş barada). *Harsal gyssansa – ýiter, haýal gyssansa – biter* (Nakyl).

**HARSALLYK** [ha:rsallyk], *at.* Harsal ýerine ýetirilen işiň ýagdaýy, çalak-çulak, el ujundan, ýüzleý ýerine ýetirilen ýagdaýda bolmaklyk. *Harsallyk etmek. Harsallyga ýol bermek*.

**HARSAŇ**, *at.* Gaty jisimlerden bölünip aýrylan ullakan daş ýa-da kesek bölekleri. *Han küýli agyr harsaň kesekleri piliniň üstüne mündürip, raýyşdan aňryk gütde-gütde aşyryp başlady* (A. Durdyýew).

**HARSYDÜNÝÄ** [harsydünýä:], *syp.* Gara nebsiniň ugrunda hars urup ýören, nebsiniň ýesiri.

**HARSYDÜNÝÄLIK** [harsydünýä:lik], *at.* Harsydünýä has bolan gylyk-häsiýet. *Genjim harsydünýälige baş urdy* (″Görogly″).

**HARTEÇJAL** [harteçja:l / hartetja:l], *at.* **1**. Dini düşünjä görä, zamana ahyr bolanda döremeli hyýaly mahluk. **2**. *göç.m.* Aýylganç, aldajy, ýuwdarha. *Beýle ýerleri hem, heý, harteçjallara rowa görüp bolarmy?* (B. Soltannyýazow).

**HARTY-HURTY**, *at.* Aňry-bäri, odur-budur, biderek zat. *Ýeňil kelläň birine, Harty-hurty zat berip, Bulaşdyrys obany* (A. Kekilow).

**HARWAR** [harwor], *at.* Bir eşek ýüki möçberindäki. *Harwaryny göteren serwerini hem göterer* (Nakyl).

**HARWAR-HARWAR** [harwor-harwor], *at.* Birnäçe eşek ýüki möçberindäki. *Asylkysyny aýdanda, eger seniň duluňda hemme esbaplary bilen üpjün ala tow hyrlyň asylgy duran bolmasa ýa-da duluňda päkize jöwher gylyjyň tärimiň başyndan asylgy bolup, işigiňde-de kişňäp duran atyň bolmasa, seniň gapyňda daýhançylyk esbabynyň müňüsi üýşsün, harwar-harwar jöwen, bugdaý, arpa hasyl al, tapawudy ýok, bir gürrüňçilikde birden sen gatyrak güläýseň, ilki bilen öz kowumyňdan biri: "Sen näme gürleýäň, bar, çaýryňy çap" diýer* (A. Gowşudow).

**HARYT** [hary:t], *at.* Satuw üçin, satlyk zähmet önümi.

◊ **Haryt alyş-çalşygy** zat görnüşli harytlary çalyşma (şeýle ýagdaýda bir zat beýleki bir zada puly tölenmezden çalşylýar). *Harytlaryň göni çalşylmasyna esaslanýan geleşikler haryt alyş-çalşygy (barter) diýlip atlandyrylýar:.*

**HARYTŞYNAS** [hary:tşyna:s], *at.* Haryt hünärmeni. *Harytşynas bolup işlemek.*

**HARYTŞYNASLYK** [hary:tşyna:slyk], *at.* Söwdada ulanmak maksady bilen, harytlaryň hilini, häsiýetlerini, alnyş we satylyş kadalaryny öwrenýän ylym.

**HARY-ZAR** [ha:ry-za:r], *syp., ser.* **Har-zar**. *Adam ogly gelip pany jahana, Pelegiň golundan hary-zar bolduň* (Magtymguly).

**HAR-ZAR** [ha:r-za:r], syp. Horluk çekýän, ejirli, jebir görýän, har hem zar. *Olaryň gül ýaly güni bar, har-zar zady ýok.*

**HAS**, *s. ş. aňl. s.* Daljygyp demiň içiňe sygmaýan ýagdaýynda emele gelýän ses.

**HAS** [ha:s] **I**, *syp.* ″Örän, juda, aýratyn, aýratyn-da″ ýaly many aňladýan söz.

◊ **Has at** aýratyn bir adamyň, ýer-ýurduň, deňiz-derýalaryň we ş.m. ady, meselem: *Türkmenistan, Aşgabat, Ahal, Gökdepe, Jeren, Murgap* we ş.m.

**HAS** [ha:s] **II**, *syp., ser.* **Mahsus**.

**HASA** [hasa:], *at.* Agsak ýa-da garry adamlaryň söýget üçin ulanýan taýagy. *Kör hasasyn bir aldyrar* (Nakyl).

◊ **Kör hasasyny bir aldyrar** adam bir gezek özüni aldatdyrar, emma ikinji gezek aldatdyrmaz.

**HASA** [ha:sa], *at.* Inçejik ýalaňgat nah ýüplükden çal dokalan ýukajyk ak mata, çalma, marly. *Ol aýal hasadan boýalyp edilen ala öýmesiniň içindäki ýumurtgalary emaý bilen öňe süýşürdi* (B. Pürliýew).

**HASABAT** [hasa:vat], *at.* Öz işiň, tabşyrygy ýerine ýetirişiň barada jogapkär adama, gurama we ş.m. ýazmaça ýa-da dilden berilýän resmi maglumat.

**HASANAKLABERMEK** [hasanakla:vermek], *işl.* Hasanaklap ugramak.

**HASANAKLAMA**, *iş ady.* Hasanaklamak ýagdaýy.

**HASANAKLAMAK**, *işl.* Alňasaklyk bilen hereket etmek, howlukmaç ýerinden turup başlamak. *Ol ýoldaşlaryna gözi ilenden, hasanaklap galdy* (A. Nazarow).

**HASANAKLAŞMAK**, *işl.* Bile hasanaklamak. *Olar hasanaklaşyp çykyp gitdiler.*

**HASANAKLATMAK**, *işl.* Hasanaklamaga mejbur etmek.

**HASANAKLAÝYŞ**, *iş ady.* Hasanaklamak ýagdaýy.

**HASAP** [hasa:p], *at.* **1**. Bir zadyň san bilen jemlenýän jemi. **2**. Arifmetika we onuň dört amaly boýunça işlenip çözülmeli mesele, ýumuş. *Aňkaryň çykaran hasabynyň aşagyna ullakan harp bilen bäşlik belgi goýdy* (B. Kerbabaýew). **3**. San, mukdar gatnaşyklary, ululygy, şonuň ýaly-da giňişlik görnüşlerini, şekilleri öwrenýän ylymlaryň jemi we okuw sapagy, dersi, matematika. **4**. Ýokary okuw mekdeplerinde dürli dersler boýunça barlag synaglarynyň bir görnüşi we şol synaglaryň geçirilendigini tassyklaýjy belgi. **5**. ″Deregine, öwezine, ýerine″ ýaly sözleriň manysynda ulanylýan, bir zady bir maksat bilen ulanmagy aňladýan kömekçi söz.

◊ **Hasabyň dogry çykmak** pikir edişiň, çaklaýşyň, oýlaýşyň ýaly bolmak. **Hasap depderçesi** okuwa ýetişişini hasaba almak üçin niýetlenip, talybyň eline gowşurylýan depderçe. **Hasap etmek 1)** bir zadyň hasabyny çykarmak, hasaplap jemlemek. *Hasap edip görsem, köp ýyl geçipdir.* **2)** birini ýa-da bir zady başga biriniň ýa-da bir zadyň ornunda hasaplamak. **Bir hasapdan** bir zat, ahwalat deňeşdirilende ulanylýan ″bir tarapdan″ diýen manyly aňlatma. *Bir hasapdan onuň eden bellikleri dogry.*

**HASAPÇY** [hasa:pçy], *at.* Edaranyň, kärhananyň hasap-hesip işini alyp barýan hünärmen, buhgalter.

**HASAPÇYLYK** [hasa:pçylyk], *at.* **1**. Hasapçynyň käri, wezipesi, ýagdaýy. *Ýalbaryp-ýakaryp zordan hasapçylyga aldyk* (T. Gurbanow). **2**. Maliýe hasap-hesip işi, buhgalterçilik. *Hasapçylyk okuwy. Hasapçylyk bölümi.*

**HASAPDAR** [hasa:pda:r], *at, gepl.d., ser.* **Hasapçy**. *Bolduň meniň başyma bir hasapdar.*

**HASAPHANA** [hasa:pha:na], *at.* Edaranyň, kärhananyň hasapçylyk bölümi.

**HASAP-HESIP** [hasa:p-hesi:p], *at, ser.* **Hasap 1**.

**HASAPLAGYÇ** [hasa:plağyç], *at.* Bir zady hasaplaýan, bir zadyň hasabyny ýöredýän enjam, abzal, gural. *Gaz hasaplagyjy. Elektrik hasaplagyjy.*

**HASAPLABERMEK** [hasapla:vermek], *işl.*Sanap, bir zadyň hasabyny çykarybermek.

**HASAPLAMA** [hasa:plama], **1**. *iş ady.* Hasaplamak ýagdaýy. **2**. *ser.* **Hasap 1**.

**HASAPLAMAK** [hasa:plamak], *işl.* **1**. Bir zadyň hasabyny etmek, jemini jemlemek, sanap, bir zadyň hasabyny çykarmak. **2**. Birini ýa-da bir zady başga biri ýa-da bir zat bilen deňemek, biri ýa-da bir zat hasabynda, hökmünde garamak.

**HASAPLAMAKLYK** [hasa:plamaklyk], *iş ady.* Hasaplamak ýagdaýy.

**HASAPLANMAK** [hasa:planmak], *işl.* **1**. Bir zadyň hasaby edilmek, hasaby çykarylmak. **2**. Bir zat hökmünde garalmak, saýylmak.

**HASAPLANYLMAK** [hasa:planylmak], *işl.* Hasap edilmek, saýylmak, hasaplanmak.

**HASAPLAŞMAK** [hasa:plaşmak], *işl.* **1**. Hasap-hesip edip, birine bergiňi bermek, bermeli puluňy tölemek, üzülişmek. **2**. *göç. m.* Aryňy almak, ar-namysyňy ýerine salmak, haklaşmak.

**HASAPLAŞYK** [hasa:plaşyk], *at.* Algy-bergini üzülişmeklik, üzülişik. *Hasaplaşyk kassasy. Hasaplaşyk depderçesi.*

**HASAPLAŞYLGY** [hasa:plaşylğy], *syp.* Hasaby edilen, hasaby çykarylan.

**HASAPLATDYRMAK** [hasa:platdyrmak], *işl.* Birini hasap-hesip etmäge mejbur etmek.

**HASAPLATMAK** [hasa:platmak], *işl.* Birine hasap etdirmek.

**HASAPLAÝYŞ** [hasa:plaýyş], *iş ady.* Hasaplamak ýagdaýy.

**HASAPLAÝJY** [hasa:plaýjy], *at.* Hasabyny çykarýan. *Hasaplaýjy elektron maşyn*.

**HASAPLY** [hasa:ply], *syp.* **1**. Hasap-hesip edilip goýlan, hasaby çykarylan, sanalgy, ölçegli. **2**. Hasap-hesip geçirilýän, algy-bergi hasaplanylýan. *Hasaply dost uzaga gider* (Nakyl).

**HASAPLY-HESIPLI** [hasa:ply-hesi:pli], *syp., ser.* **Hasaply**.

**HASAPSYZ** [hasa:psyz], *syp.* **1**. Hasap-hesip edilmedik, hasaby çykarylmadyk, hasaby alynmadyk. **2**. San ýetmez, örän köp, ummasyz, hasaby-hesibi ýok.

**HASAS** [hasa:s], *syp.* Ýörite göz-gulak bolýan, iş edinip seredýän, hökman. *Bu tamlara hasas bir gelin gerek* (A. Durdyýew).

**HAS-DA-HAS** [has-sa-has], *hal*. Hemmesi has-has edip, haslaşyp.

**HAS-HAS**, *s. ş. aňl. s.* Daljygyp demiň içiňe sygmaýan ýagdaýynda emele gelýän sesler. *Myrat has-has edip, adamlaryň ýüzüne seredip durdy* (A. Durdyýew). *Näme, yzyňdan ýagy gelýän ýaly, has-has edip gelýäň?*

**HASLABERMEK** [hasla:vermek], *işl.* Haslap başlamak.

**HASLAMA** [haslama], *iş ady.* Haslamak ýagdaýy.

**HASLAMAK** [haslamak], *işl., ser.* **Hassyldamak**.

**HASLAMAKLYK** [haslamaklyk], *iş ady.* Haslamak ýagdaýy.

**HASLAMAZLYK** [haslamazlyk], *iş ady., ser.* **Hassyldamazlyk.** *Taýçanaklar tosun bolmanlary üçin onçakly haslamadylar* (B. Kerbabaýew).

**HASLAŞMAK** [haslaşmak], *işl.* Köp bolup, bilelikde haslamak. *Anna, Sona haslaşyp, Bir gerişden aşdylar* (A. Alamyşow).

**HASRAT** [hasyrat], *at.* Adamyň ruhy dünýäsinde döreýän gam-gussa, gaýgy, tukatlyk.

**HASRATLY** [hasyratly], *syp.* Gamly, gussaly, gaty gaýgyly. *Hasratly ömür sürenden, Ýatsaň ýegdir gör biläni* (Halk döredijiliginden).

**HASRATLYLYK** [hasyratlylyk], *at.* Hasratly halda bolmaklyk, gam-gussalylyk, gaýgylylyk.

**HASRATSYZ** [hasyrassyz], *syp.* Gam-gussasyz, gaýgysyz.

**HASRATSYZLYK** [hasyrassyzlyk], *at.* Hasratly dällik, hasraty ýokluk, gam-gussasyzlyk.

**HASSA**, **1**. *syp.* Näsaglap ýatan, syrkaw. **2**. *at.* Nähoş, syrkaw adam. *Hassanyň ýanyna tizräk ýetmek, oňa kömek bermek gerekdi* (B. Pürliýew). *Hassa kömek etmek.*

**HASSA-BIMAR** [hassa-vi:ma:r], *syp., ser.* **Hassa 1**.

**HASSAÇYLYK**, *at, ser.* **Hassalyk**.

**HASSAHANA** [hassaha:na], *at.* Hassa, syrkaw adamlar bejerilýän lukmançylyk edarasy, jaýy; keselhana.

**HASSALAMA**, *iş ady.* Hassalamak ýagdaýy.

**HASSALAMAK**, *işl.* Näsaglamak, syrkawlamak. *Iki hepde hassalap ýatdym.*

**HASSALAMAKLYK**, *iş ady.* Hassalamak ýagdaýy.

**HASSALATMAK**, *işl.* Birini näsag, hassalyk ýagdaýyna getirmek.

**HASSALAÝYŞ**, *iş ady.* Hassalamak ýagdaýy.

**HASSALYK**, *at.* Hassa halda bolmaklyk, näsaglyk, syrkawlyk.

**HASSEKI**, *at.* Pazyly gurap, güne ýanan gawun, garpyz.

**HASSYLDABERMEK** [hassylla:vermek], *işl.* Hassyldyly seslenibermek.

**HASSYLDAMA** [hassyllama], *iş ady.* Hassyldamak ýagdaýy.

**HASSYLDAMAK** [hassyllamak], *işl.* Hassyldyly ses çykarmak, haslamak, haşlamak. *Oglanjyk hassyldap ylgap geldi.*

**HASSYLDAMAZLYK** [hassyllamazlyk], *iş ady.* Hassyldyly ses çykarmazlyk, haslamazlyk, haşlamazlyk.

**HASSYLDAŞMAK** [hassyllaşmak], *işl.* Birnäçe bolup, bilelikde hassyldamak.

**HASSYLDAÝYŞ** [hassyllaýyş], *iş ady.* Hassyldamak ýagdaýy.

**HASSYLDY** [hassylly], *at.* Ýadamak, ylgamak we ş.m. sebäpli, kynlyk bilen agyr dem alnanda çykýan sesiň ady.

**HASY**, *syp.* Işe ukypsyz, emelsiz; ýalta; hapysa. *Hasy gelin mädä merk* (Nakyl). *Näme diýsene, Akmaýa, seniň bu sözüň öňde bir hasy aýalyň: – Ýer sürmek – baryp gelmek, orak ormak – oýnamak, döwek döwmek – aýlanmak, haý-haý çaýkanyp un elemek! – diýen sözüne meňzeýär* (B. Kerbabaýew).

**HASYL** [ha:syl], *at.* Galla, gowaça we ş.m. ekinlerden, miweli agaçlardan ýetişdirilip alynýan önüm.

◊ **Hasyla durmak** boýy ýetip, düwünçek düwüp başlamak. *Garpyz pazyllary hasyla durup başlady.* **Hasyl bolmak** amala aşmak, ýerine ýetmek. **Hasyl toýy** ýylyň ahyrynda hemme ekinleriň hasylynyň jemi jemlenip geçirilýän toý.

**HASYLÇY** [ha:sylçy], *at.* Ekinden ýokary hasyl almak ugrunda göreşýän daýhan.

**HASYLLAMA** [ha:syllama], *iş ady.* Hasyllamak ýagdaýy.

**HASYLLAMAK** [ha:syllamak], *işl.* Ekindir bag-bakjalar hasyla durmak. *Idegi ýetýän gowaçalar kadaly boý alyp, oňat hasyllaýarlar.*

**HASYLLANDYRMAK** [ha:syllannyrmak], *işl.* Ekiniň hasyllylygyny artdyrmak, ýokarlandyrmak. *Gowaçalary hasyllandyrmak ugrunda tejribe toplamak.*

**HASYLLY** [ha:sylly], *syp.* Hasyly köp berýän; bol, ýokary hasyl berijiligi bilen tapawutlanýan. *Bol hasylly gowaça.*

**HASYLLYLYK** [ha:syllylyk], *at.* Hasyly köplük, hasyly barlyk; hasyl berijilik; hasyl bermäge ukyplylyk.

**HASYLSYZ** [ha:sylsyz], *syp.* Ýeterlik hasyl bermeýän; hasyl bermäge ukypsyz.

**HASYLSYZLYK** [ha:sylsyzlyk], *at.* Ýeterlik hasyly ýokluk; hasyl bermäge ukypsyzlyk.

**HASYRDABERMEK** [hasyrda:vermek], *işl.* Hasyrdap başlamak.

**HASYRDAMA**, *iş ady.* Hasyrdamak ýagdaýy.

**HASYRDAMAK**, *işl.* Çalasyn hereket etmek, howlukmaç hereketlenmek, hasyrdyklamak. *Ol, Tagan aganyň hasyrdap bir ýerden geljegini bildi* (B. Soltannyýazow).

**HASYRDAŞMAK**, *işl.* Bilelikde hasyrdamak. *Möjegi agyzlaryndan sypdyran iki it hem hasyrdaşyp geçip gitdiler* (A. Gowşudow).

**HASYRDATMAK**, *işl.* Hasyrdyly ses çykarmak, hasyrdyly seslendirmek.

**HASYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Hasyrdamak ýagdaýy.

**HASYRDY**, *at.* **1**. Iş, alada ugrunda edilýän howlukmaç hereket, alňasaklyk. **2**. Çalt hereket netijesinde çykýan sesiň ady. *Gyz asmana seredip görse, depesinde bir hasyrdy barmyş* (Halk ertekisinden).

**HASYRDYKLABERMEK** [hasyrdykla:vermek], *işl.,ser.* **Hasyrdabermek**.

**HASYRDYKLAMA**, *iş ady.* Hasyrdyklamak ýagdaýy.

**HASYRDYKLAMAK**, *işl., ser.* **Hasyrdamak**. *Görogly hasyrdyklap turdy* ("Görogly").

**HASYRDYKLAŞMAK**, *işl.* Köp bolup bilelikde hasyrdyklamak.

**HASYRDYKLATMAK**, *işl.* Hasyrdyklamaga mejbur etmek.

**HASYRDYKLAÝYŞ**, *iş ady.* Hasyrdyklamak ýagdaýy.

**HASYR-HUSUR**, *hal.* Örän çalt, çaltlyk bilen, haýdan-haý, howlukmaç. *Kakam çaşyp ýatan kagyzlary hasyr-husur ýygnaşdyrdy.*

**HASYRRA**, *hal, gepl.d.* Hyrra, birden, birbada, hasyr-husur, haýdan-haý, çalt, dessine. *Öň hem jojukly wakadan gözi gorkansoň, ol baryp, hasyrra işigiň kildini ildirdi* (B. Öwezow).

**HAŞ**, *s. ş. aňl. s.* Demiň daralan ýagdaýynda howa ýetmän emele gelýän ses.

**HAŞAL: haşal ot** ýabany gögerýän dürli görnüşdäki ot. *Ülpüldeşýär haşal otlar, Dolupdyr çiller, salmalar* (Ç. Aşyrow).

**HAŞAM**, *at.* Jaýa ýa-da beýleki ýasalýan önümlere owadanlyk üçin edilýän bezeg, nagyş. *Suwsap barsaň küýze egip, çal guýar, Ellerinde haşam çanaklary bar* (K. Gurbannepesow).

**HAŞAMÇY**, *at.* Ýasalýan önümleriň ýüzüne haşam, nagyş çekýän ussa.

**HAŞAMLAMA**, *iş ady.* Haşamlamak ýagdaýy.

**HAŞAMLAMAK**, *işl.* Jaýa ýa-da ýasalýan başga önümlere owadanlyk üçin nagyş salmak, haşam etmek. *Işigiň gabsasyny oňat haşamladylar.*

**HAŞAMLAMAKLYK**, *iş ady.* Haşamlamak ýagdaýy.

**HAŞAMLANMAK**, *işl.* Owadanlyk üçin haşam edilmek.

**HAŞAMLAŞMAK**, *işl.* **1**. Haşamlamaga kömek etmek. *Men oňa gapyny haşamlaşdym*. **2**. Birnäçe bolup, bilelikde haşamlamak. *Ussalar jaýyň iç ýüzüni hasamlaşyp durdular.*

**HAŞAMLATDYRMAK**, *işl.* Bir zadyň ýüzüne haşam etdirtmek, haşam çekdirtmek.

**HAŞAMLATMAK**, *işl.* Bir zadyň ýüzüne haşam etdirmek. *Jaýyň öň tarapyny haşamlatmak.*

**HAŞAMLAÝYŞ**, *iş ady.* Haşamlamak ýagdaýy.

**HAŞAMLY**, *syp.* Haşam çekilen, haşam salnan, haşamlanan.

**HAŞAR**, *at.* Suw akdyrylýan ýaplary, aryklary we ş.m. gyrmançadan, ot-çöplerden köpçülikleýin arassalaýyş işi, ýowar.

**HAŞARÇY**, *at.* Haşar işine, gaza gatnaşýan adam.

**HAŞDYŇ**, *syp.* Gödeksi, gödensiz, tagaşyksyz ýasalan. *Durdy çopan özüniň ullakan haşdyň pyçagyny biline gysdyryp, ujy egri taýagyny eline aldy* (A. Gowşudow).

**HAŞHAŞ**, *at.* Tirýek şiresi alynýan ösümlik we onuň gozasy, göknar. *Ömrüň ahyr bolup, dolsa peýmana, Haşhaşyň samany başy syndyrar* (Magtymguly).

**HAŞ-HAŞ**, *s. ş. aňl. s.* Demiň daralan ýagdaýynda howa ýetmän emele gelýän sesler. *Oguldursun haş-haş edip otyrdy* (A. Durdyýew).

**HAŞLABERMEK** [haşyla:vermek], *işl.* Haşşyldyly ses çykarybermek.

**HAŞLAMA** [haşylama], *iş ady.* Haşlamak ýagdaýy.

**HAŞLAMAK** [haşylamak], *işl.* Haşşyldyly ses çykarmak, haş-haş etmek. *Mama ýagjymak ýüzüni gyňajynyň ujy bilen süpürenden soň haşlap dem aldy* (B. Kerbabaýew). *Eginlekden garynlak, semizliginiň derdinden gözleri çala çyzylyp duran bir adam, aldyrany bar ýaly bolup girdi-de, haşlap aýak çekdi* (G. Gurbansähedow).

**HAŞLAMAKLYK** [haşylamaklyk], *iş ady.* Haşlamak ýagdaýy.

**HAŞLAMAZLYK** [haşylamazlyk], *iş ady.* Haşşyldyly ses çykarmazlyk, haş-haş etmezlik.

**HAŞLAŞMAK** [haşylaşmak], *işl.* Birnäçe bolup, bilelikde haşlamak. *Haşlaşyp, howlynyň gapysyndan girdiler* (N. Pomma).

**HAŞLATMAK** [haşylatmak], *işl.* Haşlamaga mejbur etmek, haşşyldyly seslendirmek.

**HAŞLAÝYŞ** [haşylaýyş], *iş ady.* Haşlamak ýagdaýy.

**HAŞŞYLDABERMEK** [haşşylla:vermek], *işl., ser.* **Haşlabermek**.

**HAŞŞYLDAMA** [haşşyllama], *iş ady.* Haşşyldamak ýagdaýy.

**HAŞŞYLDAMAK** [haşşyllamak], *işl., ser.* **Haşlamak**.

**HAŞŞYLDAMAKLYK** [haşşyllamaklyk], *iş ady.* Haşşyldamak ýagdaýy.

**HAŞŞYLDAŞMAK** [haşşyllaşmak], *işl.* Birnäçe bolup, bilelikde haşşyldamak.

**HAŞŞYLDATMAK** [haşşyllatmak], *işl.* Haşşyldyly seslendirmek, haşşyldyly ses etmek.

**HAŞŞYLDY** [haşşylly], *at.* Demiň daralan ýagdaýynda howa ýetmän emele gelýän ýa-da käbir haýwan haýbat atanda, otly we ş.m. käbir maşyn işlände döreýän sesiň ady. *Garaňkyny böwsüp gelýän otlynyň haşşyldysy tokaýa ýaň berýärdi* (A. Gelenow).

**HAŞYRDABERMEK** [haşyrda:vermek], *işl.* Haşyrdyly seslenibermek.

**HAŞYRDAMA**, *iş ady.* Haşyrdamak ýagdaýy.

**HAŞYRDAMAK**, *işl.* Haşyrdyly ses etmek, haşyrdyly seslenmek. *Zemzen haşyrdap geçip gitdi. Turşy çalyň üstüne guýlan düýe süýdi derrew haşyrdap galyp, agarana öwrüldi*.

**HAŞYRDAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup, bilelikde haşyrdamak.

**HAŞYRDATMAK**, *işl.* Haşyrdyly ses etmek, haşyrdyly seslendirmek.

**HAŞYRDAWUK** [haşşyrdowuk], *syp., ser.* **Paşyrdawuk.**

**HAŞYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Haşyrdamak ýagdaýy.

**HAŞYRDY**, *at.* Haşyrdap ses çykan ýagdaýynda döreýän sesiň ady. *Onuň gapdalynda birden bir elhenç haşyrdy peýda boldy* (T. Taganow).

**HAT**, *at.* **1**. Birine bir zat barada habar bermek üçin iberilýän ýazylan tekst. **2**. Ýazgy, ýazuw üçin ulanylýan çyzgyly belgiler ulgamy. *Arap haty. Latyn haty*. **3**. Ýazuw-pozuw, hat-sowat, sowat. *Indihat bilmeýän ýok.* **4**. Resminama. *Aşgabada iberilýäniň barada men seniň eliňe möhürli hat bereýin* (B. Kerbabaýew).

◊ **Hatyny bermek** talagyny bermek, nikany bozmak, aýrylyşmak. *Indi men seniň taýagyňy iýmen, ertiriň özünde meniň hatymy ber* (A. Durdyýew).

**HATA** [hata:], *at.* **1**. Goýberilýän, ýüze çykýan ýalňyşlyk. *Gözlejek bolamok, bar bolsa hatam, Hatamy gizlesem, men öz aslym däl* (A. Mämmedow). **2**. *hal.* Sowa, degmän, boş, biderek. *Ol gara hiç gymyldanok, okumyz hata geçendir öýdüp, soň dört ýerden daş ýagdyrmaga başladyk* (A. Gowşudow).

**HATAP**, *at.* Howudyň öň tarapynyň üstüne goýulýan haçja görnüşli dört sally agaç esbap. *Düýä münüp, hataba bukulma!* (Nakyl).

◊ **Hatap gala** näbelli ýer, näbelli ýurt. *Keýmir kör aýtmyşlaýyn, türkmeniň ýurdy hatap galady* (B. Kerbabaýew).

**HATAR I**, *at.* **1**. Bir meňzeş zatlardan ýa-da adamlardan bir ugurda, bir çyzykda düzülen setir, nyzam. *Hatarda ner bolsa, ýük ýerde galmaz* (Nakyl). **2**. Bir ugra uzalyp gidýän jaýlar, syrgyn. *Olaryň öýleri biziň gaýramyzdaky hatarda*. **3**. Bir gurama, topara degişli adamlaryň jemi. *Men urşuň başlarynda goşun hataryna çagyryldym.* **4**. Ok, peşeň salnyp bile daňlyp, eginden asylyp göterilýän awçylyk enjamy.

◊ **Hatardan çykarmak** zaýalamak, ulanyşdan galdyrmak. *Güýçli aýazlar ençeme miweli agaçlary hatardan çykardy.* **Hatardan çykmak** zaýalamak, ulanyşdan galmak. **Öň hatarda** bir zadyň başynda ilkinjisi bolup, ileri tutulyp.

**HATAR II**, *syp., ser.* **Hatarly**. *Emma ol geçelge ýönekeý, aňsatja geçäýmeli ýer bolman, gaty hatar ýer ekeni, ondan diňe batyrlar geçip biljek ekeni* (A. Gowşudow).

**HATARARA** [hatara:ra], *at.* Ekilen ekiniň iki hatarynyň arasyndaky ýer. *Gowaçalaryň hatarara bejergisi.*

**HATARDAŞ**, *syp.* Bir hatarda duran, setirdeş, syrgyndaş.

**HATARLAMA**, *iş ady.* Hatarlamak ýagdaýy.

**HATARLAMAK**, *işl.* Hatara düzüp goýmak, setir-setir edip goýmak, hatar-hatar etmek. *Neneň şahyr*

*söýmesin, neneň şahyr öwmesin, Ýakasyna hatarlap, dakar tylla düwmesin* (M. Seýidow). *Aşyklary mazaly hatarlap dikenmişin* (K. Taňrygulyýew).

**HATARLAMAKLYK**, *iş ady.* Bir zady hatara goýmaklyk.

**HATARLANMAK**, *işl.* Hatar-hatar bolmak, hatara düzülmek. *Her haýsy ünsüňi çekip özüne, Geler hatarlanyp, yzly-yzyna* (A. Kekilow).

**HATARLANYŞMAK**, *işl.* Köp bolup hatarlanyp durmak.

**HATARLAÝYŞ**, *iş ady.* Hatarlamak ýagdaýy.

**HATARLY**, *syp.* Durmuş, ýaşaýyş we ş.m. üçin gorkuly, howply, wehimli bolan, hatar. *Eý, Hemra jan, meýdan möjeginiň yzyna düşüp gitmek köp hatarlydyr* ("Saýatly – Hemra").

**HATARMA-HATAR**, *hal.* Her bir hatar boýunça, yzly-yzyna. *Köçä çykyp, ýedi pili hatarma-hatar gabat duruzdylar* ("Görogly").

**HATASYZ** [hata:syz], *syp.* **1**. Gürrüňsiz, şübhesiz, hökman. *Atam howply ýyrtyjyny hatasyz urmalydygyny bilýärdi.* **2**. Gurat, abat. *Ölçeýji gurallar hatasyz işledilýär.*

**HATDA,** Özüniň degişli sözüni ýa-da söz düzümini güýçlendirmek üçin ulanylýan söz. *Hoşgeldiniň şeýle bir keýpi kökeldi, hatda begenjinden şol gije onuň ukusy hem tutmady* (A. Gowşudow).

**HATDAT** [hatda:t], *at.* Haty owadan ýazýan (adam).

**HATDATLYK** [hatda:tlyk], *at.* Haty arassa, düşnükli we owadan ýazyp bilijilik, owadan hatlylyk, owadan ýazmak sungaty. *Ony bilmek üçin şeýle bir hatdatlyk-da gerek däl* (N. Pomma).

**HAT-HABAR** [hat-havar], *at.* Hat üsti bilen ýa-da dilden ýetirilýän, iberilýän habar, maglumat, habar-hatyr, gördüm-bildim. *Hojawdan bir ýyl bäri hat-habar ýokdy* (B. Gurbanow).

**HATLAŞMA**, *iş ady.* Hatlaşmak ýagdaýy.

**HATLAŞMAK**, *işl., gepl.d.* Bir zady hat ýazyşyp, gol çekişip ynanyşmak. *Ikimiziň aramyzda hatlaşar ýörer ýaly, biri-birimize ynamymyz gaçmandyr ahyry!*

**HATLY**, *syp.* **1**. Hat ýazylan, ýüzünde ýazgysy bolan. *Hatly kagyz.* **2**. Bir zada ygtyýar berýän, ynam döredýän haty, resminamasy bar bolan. *Hatly gelen bolsaň, ygtyýar ederdik.*

**HATLY-PETEKLI**, *syp., ser.* **Hatly 2**. *Biz häzir hatly-petekli adamlar.*

**HATLY-SOWATLY** [hatly-sowotly], *syp.* Ýazyp-pozup bilýän, okuwly, bilimli.

**HATLY-SOWATLYLYK** [hatly-sowotluluk], *at.* Ýazyp-pozup bilijilik, okuwlylyk, bilimlilik.

**HATM: hatm etmek (kylmak, çykmak) 1)** ýazyp gutarmak, tamamlamak. **2)** boýdan-başa okap çykmak.

**HAT-PAT**, *at, ser.* **Hat 1**. *Heý, sen onuň gyzyna hat-pat dagy ýazan dälsiň-dä diýip sorady* (A. Gowşudow).

**HAT-PETEK**, *at, gepl.* Ýazuw-pozuw, hat. *Emma ol şol mahal hat-petek işi bolup, gelen daýhanlaryň işini düzedip, ýola salmak üçin daşky tama çykmaly boldy* (A. Gowşudow).

**HAT-PETEKSIZ**, *syp.* Hat-petegi, resminamalary bolmadyk.

**HAT-PETEKSIZLIK**, *at.* Hat-petegiň, resminamalaryň bolmazlygy.

**HAT-SOWAT** [hassowot], *at.* Sowat, okuw, bilim.

**HAT-SOWATLY** [hassowotly], *syp., ser.* **Hatly-sowatly**. *Meni okadyp, hat-sowatly etdi* (A. Durdyýew).

**HAT-SOWATSYZ** [hassowossuz], *syp.* Ýazyp-pozup bilmeýän, okuwsyz, bilimsiz.

**HAT-SOWATSYZLYK** [hassowossuzluk], *at.* Ýazyp-pozup bilmezlik, okuwsyzlyk, bilimsizlik. *Hat-sowatsyzlygyň zyýan berýän ýeri köp bolýar.*

**HATSYZ-HABARSYZ** [hassyz-havarsyz], *syp.* Hiç hili habarsyz, maglumatsyz.

**HATSYZ-HABARSYZLYK** [hassyz-havarsyzlyk], *at.* Hiç hili habar, maglumat ýokluk.

**HATYN** [ha:tyn], *at.* Aýal maşgala, zenan. *Är gylygyn bilen sypaýy hatyn, Sözlemez, sem bolar, är sesin aňsa* (Zelili).

**HATYRA** [ha:ty:ra], *at.* Birine goýulýan hormat, gadyr-gymmat, edilýän sylag, hezzet-hormat.

◊ **Hatyra güni** pajygaly ýagdaýlarda dünýäden ötenleriň, şehit bolanlaryň ýörite ýatlanýan, hatyrasynyň tutulýan güni.

**HATYRALAMA** [ha:ty:ralama], *iş ady.* Hatyralamak ýagdaýy.

**HATYRALAMAK** [ha:ty:ralamak], *işl.* Biriniň hatyrasyny tutmak, gadyr-gymmatyny saklamak, sylag-hormat goýmak, hormatlamak, sylamak. *Kakasy bir ýerden gelende, Nazary uly adam ýaly hatyralap "saglykmy" diýerdi* (A. Durdyýew).

**HATYRALAMAKLYK** [ha:ty:ralamaklyk], *iş ady.* Hatyralamak ýagdaýy.

**HATYRALANMAK** [ha:ty:ralanmak], *işl.* Biriniň hatyrasy tutulmak, gadyr-gymmaty saklanmak.

**HATYRALAÝYŞ** [ha:ty:ralaýyş], *iş ady.* Hatyralamak ýagdaýy.

**HATYRALY** [ha:ty:raly], *syp.* Gadyr-gymmata, sylag-hormata mynasyp bolan, hormatly, sylagly. *Akjagül we onuň ýekeje ogly Myrat hatyraly, eziz görülýärdi* (A. Gowşudow).

**HATYRALYLYK** [ha:ty:ralylyk], *at.* Hatyrasy barlyk, hormatlylyk, sylaglylyk.

**HATYRASYZ** [ha:ty:rasyz], *syp.* Hatyrasy, gadyr-gymmaty ýok. *Hatyrasyz adam.*

**HATYRDADYBERMEK** [hatyrdadyvermek], *işl.* Hatyrdyly seslendiribermek.

**HATYRDAMA**, *iş ady.* Hatyrdamak ýagdaýy.

**HATYRDAMAK**, *işl.* Hatyrdyly ses çykmak, hatyrdy sesi çykmak. *Içerden hatyrdap çykýan ses eşidildi*.

**HATYRDAŞMAK**, *işl.* Birnäçe zat hatyrdamak, hatyrdyly sesler çykmak.

**HATYRDATMAK**, *işl.* Hatyrdyly seslendirip iýmek. *Oglanlar ternäni hatyrdadyp gemirdiler.*

**HATYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Hatyrdamak ýagdaýy.

**HATYRDY**, *at.* Gaty zat gemrilende, iýlende, bir zat gazalanda we ş.m. ýagdaýlarda döreýän sesiň ady.

**HATYRJEM** [ha:ty:rjem], *hal.* Arkaýyn, aladasyz, ynjalykly. *Eý baba, siz Hemra jandan hatyrjem boluň!* ("Saýatly – Hemra").

**HATYRJEMLIK** [ha:ty:rjemlik], *at.* Arkaýynlyk, aladasyzlyk, ynjalyklylyk. – *Ä, hüm, meniň hüýr-perim, töwerek hatyrjemlikmi? – diýdi* ("Türkmen pýesalary").

**HAW** [hav], *üml.* **1**. It üzlem-saplam üýrende çykýan ses. **2**. Biri gorkuzyljak bolnanda it üýren ýaly edilip çykarylýan ses. *Bir gezek "haw" edemde "wä-ä" diýip gygyranyň ýadyňda barmy?* (B. Kerbabaýew).

**HAW** [ha:w], *üml.* Köp adama ýüzlenilende aýdylýar. – *Haw, adamlar, ony bir görseňizläň!* (B. Soltannyýazow).

**HAWA** [howo], **1**. Gepleşikde aýdylany tassyklaýandygyňy ýa-da onuň bilen ylalaşýandygyňy bildermek üçin ulanylýan jogap sözi. – *Seniň kitabyň täzemi? – Hawa, täze.* **2**. Aýdylany jemlemek üçin "hakykatdan-da, dogry, elbetde" diýen manyny aňladýan giriş sözi. *Hawa, adamlaryň ykbaly dürli-dürli bolýar* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Gürrüň wagtynda ýatdan çykyp galan bir zat ýadyňa düşende ýa-da gürrüň dowam etdirilende aýdylýan söz. *Hawa, onsoň irgözinden oba geldik.*

**HAW-HAW** [hav-hav], *üml.* Itiň yzly-yzyna üýrüşini aňladýan sesler. *Bakman itiň haw-hawuna, Bir gapyny açdy eli* (Ç. Aşyrow).

**HAWLAMA** [havlama], *iş ady.* Hawlamak ýagdaýy.

**HAWLAMAK** [havlamak], *işl.* Haw-haw edip üýrmek. *Itleriň hawlap üýrýän sesleri eşidilýärdi.*

**HAWLAMAKLYK** [havlamaklyk], *iş ady.* Hawlamak ýagdaýy.

**HAWLAŞMAK** [havlaşmak], *işl.* Köp, birnäçe bolup, birden hawlap başlamak.

**HAWLAÝYŞ** [havlaýyş], *iş ady.* Hawlamak ýagdaýy.

**HAWWYLDY** [havvylly], *at.* It üýrende yzly-yzyna çykýan sesiň ady. *Obanyň itleriniň hawwyldysy uzyn gije ýatmady.*

**HAÝ I**, *at.* Güýç, kuwwat, ysgyn-deramat, ragbat.

◊ **Haýy gaçmak (gitmek) 1)** gowşamak, ýuwaşamak, bady ýatmak. **2)** durky könelmek, sandan çykmak, dargap başlamak, sary gitmek. **Haýy gidip, waýy galmak** ysgyndan, tapdan düşmek, güýç-kuwwatdan aýrylmak, garramak. I*ndi bäş günüň içidir, agzyma et degenok, haýym gidip, waýym galdy* (Halk ertekisinden). **Haýyny almak (gaçyrmak)** öňünden sussuny basmak, badyny ýatyrmak, güýç-kuwwatdan düşürmek.

**HAÝ II**, Göwni ýetmezligi, ökünji, gynanjy we ş.m. aňladýan ümlük. *Haý, meniň diýenim bolmady-ow!*

◊ **Haý diýmek** dur diýip tabşyrmak; käýemek, ýazgarmak. **Haý diýmän** derrew, tiz, haýdan-haý. *Men haý diýmän gelerin.*

**HAÝA** [haýa:], *at.* Utanç, şerim, uýat. *Gykylygyň näme? Sende haýa bolmazmy?* (B. Pürliýew).

**HAÝAL**, *hal.* Çalt däl, tiz däl, çaman hereket edýän, ýuwaş. *Onuň ýerinden galşy çalasyn bolsa-da, hereketi örän haýaldy* (B. Kerbabaýew).

**HAÝALJAKDAN**, *hal.* Biraz haýalrak.

**HAÝALJYRAMA**, *iş ady.* Haýaljyramak ýagdaýy.

**HAÝALJYRAMAK**, *işl.* Haýyň gaçmak, badyň gowşamak, aljyramak. – *Waý, nädip gelip çykdyňyz ýa-da men düýş görýänmi? – diýip, bir hili begençli, haýaljyramak bilen gygyrdy* (A. Gowşudow).

**HAÝALJYRAMAKLYK**, *iş ady.* Haýaljyramak ýagdaýy.

**HAÝALJYRAŞMAK**, *işl.* Bary, hemmesi haýaljyramak.

**HAÝALJYRATMAK**, *işl.* Haýaljyramak derejesine eltmek. *Japbaklary haýaljyratmak islediler* (B. Kerbabaýew).

**HAÝALJYRAÝYŞ**, *iş ady.* Haýaljyramak ýagdaýy derejesi.

**HAÝALLAMA**, *iş ady.* Haýallamak ýagdaýy.

**HAÝALLAMAK**, *işl.* **1**. Bady gaçmak, hereketi peselmek, gowşamak, ýuwaşamak. *Ol gyz ýagşyň haýallanyny görüp, köne geýimini endamyna çolapdyrda, Soltansöýne jogap beripdir* ("Myraly"). **2**. *göç.m.* Saglyk ýagdaýy erbetleşmek, haly agyrlaşmak, ugry gaçyp başlamak.

**HAÝALLAMAKLYK**, *iş ady.* Haýallamak ýagdaýy.

**HAÝALLATMAK**, *işl.* **1**. Hereketini, badyny peseltmek, gowşatmak. *Derýanyň boýy bilen gelýän tank badyny sähel haýalladyp, güzere pagşyldap urdy* (N. Jumaýew). **2**. *göç. m.* Saglygyny, ýagdaýyny ýaramazlaşdyrmak, halyny agyrlaşdyrmak.

**HAÝALLAÝYŞ**, *iş ady.* Haýallamak ýagdaýy.

**HAÝALLYK**, *at.* Çalt dällik, tiz dällik, çalasyn hereket etmezlik, äwmezlik, agraslyk, ýuwaşlyk. *Ol haýallyk bilen ýokary galdy.*

**HAÝALRAK** [haýalyra:k], *syp.* Biraz haýal, haýaljakdan.

**HAÝALY** [haýa:ly], *syp.* Utanç-haýasy bar, uýaljaň, utanjaň, çekinjeň; edepli.

**HAÝALYLYK** [haýa:lylyk], *at.* Haýasy barlyk, utanç-haýasy barlyk, utanjaňlyk, uýaljaňlyk, çekinjeňlik, edeplilik. *Haýalylyk edepliligiň bir görnüşidir.*

**HAÝAL-ÝAGAL** [haýal-ýağal], *hal.* Öz peýwagtyna, arkaýyn, äwmän, haýallyk bilen. *Ýekeräk bir öýüň gapysynda bir ýaşuly iki elini syrtynda tutup, haýal-ýagal gezim edýärdi* (B. Kerbabaýew). *Ýöne ol soraglaryny haýal-ýagal berýärdi. Arasyna gürrüň salýardy* (A. Gowşudow).

**HAÝAL-ÝAGALLYK** [haýal-ýağallyk], *at.* Öz peýwagtynalyk, arkaýynlyk, äwmezlik.

**HAÝASYZ** [haýa:syz], *syp.* Utanç-haýasy bolmadyk, utançsyz, şermende, bihaýa, masgara. *Goý, muny berk bilsin her bir haýasyz, Hyýanat hiç wagt galmaz jezasyz!* (A. Kekilow).

**HAÝASYZLYK** [haýa:syzlyk], *at.* Utanç-haýasy ýokluk, utançsyzlyk, şermendelik, bihaýalyk, masgaralyk. *Haýasyzlyk, şerimsizlik – geline, Oral garry aýal töre ýaraşmaz* (Zelili).

**HAÝA-ŞERIM** [haýa:-şerim], *at, ser.* **Haýa**. *Ony haýa-şerim goýbermeýärdi* (H. Derýaýew).

**HAÝAT** [ha:ýat], *at.* **1**. Bir zadyň daşyna aýlanan beýik bolmadyk diwar, şonuň ýaly-da daşyna diwar çekilen ýer bölegi, howly. **2**. *gepl.d.* Mülk, ýer.

**HAÝBAT** [haývat], *at.* **1**. Goranmak, gorkuzmak maksady bilen birine ýa-da bir zada edilýän abaý-syýasat. *Duşmana haýbat ýagşy* (Nakyl). **2**. Haýwanyň goranmak ýa-da hüjüm etmek ýagdaýyndaky görnüşi. *Ýylanyň kellesini dikeldip, haýbat edişine seret?!*

◊ **Haýbat atmak (urmak)** dazarylyp gorkuzjak bolmak, abaý etmek. **Haýbaty ýatmak** ýuwaşamak, paýhasyna aýlanmak, köşeşmek. *Şir men diýýän ýigidiň haýbaty ýatdy* (G. Seýitliýew).

**HAÝBATLANMA** [haývatlanma], *iş ady.* Haýbatlanmak ýagdaýy.

**HAÝBATLANMAK** [haývatlanmak], *işl.* **1**. Haýbatly görnüşe girmek, hyjuwlylyk görkezmek, dogumlanmak. **2**. Dazarylyp birini gorkuzjak bolmak, herrelip birine haýbat atmak.

**HAÝBATLANMAKLYK** [haývatlanmaklyk], *iş ady.* Haýbatlanmak ýagdaýy.

**HAÝBATLANYBERMEK** [haývatlanyvermek], *işl.* Haýbatlanyp başlamak.

**HAÝBATLANYŞ** [haývatlanyş], *iş ady.* Haýbatlanmak derejesi.

**HAÝBATLY** [haývatly], *syp.* **1**. Daş görnüşi boýunça gözi dokundyrýan, çuň täsir galdyrýan. *Onuň daş görnüşi hem haýbatlydy* (B. Kerbabaýew). **2**. Dogumly, hyjuwly. **3**. Güýçli, gazaply. *Haýbatly ses.*

**HAÝDABERMEK** [haýda:vermek], *işl.* Haýdap başlamak, bir işiň, hereketiň depginini güýçlendiribermek.

**HAÝDADYLMAK**, *işl.* **1**. Bir işi ýerine ýetirmek üçin depgini güýçlendirmek, işi çaltlaşdyrmak. *Pagta ýygymy haýdadylmadyk bolsa, munuň ýaly üstünlik gazanmak kyn bolardy*. **2**. Gyssagly, çalt öňe tarap hereket edilmek. *Haýdadylyp sürlen atlar gara dere batdy*. **3**. *gepl.d.* Kowlup goýberilmek, kowulmak. *Haýda, şu ýerden haýda!*

**HAÝDAMA**, *iş ady.* Haýdamak ýagdaýy.

**HAÝDAMAK**, *işl.* **1**. Bir işi ýerine ýetirmek üçin depginli işlemek; çalasyn hereketlenmek. *Gökje setin köýneginiň, Çermelipdir gollary, Çalasynja haýdaýar Çepiksije elleri* (A. Atajanow). **2**. Bir tarapa howlukmaç ýöremek. *Olar ilerligine haýdap gitdiler*.

**HAÝDAMAKLYK**, *iş ady.* Haýdamak ýagdaýy.

**HAÝDAN-HAÝ**, *hal.* Ur-tut, örän tiz, çalt, ara wagt salman, çalasynlyk bilen, haý diýmän. *Hasan gyzyň haýbatyndan gorkup, näderini bilmän, haýdan-haý münüp oturan piliniň astyna girdi* ("Görogly").

**HAÝDAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup haýdamak. *Beýleki ýygymçylar bolsa munuň at gaýtarym öňünde haýdaşyp, pagta ýygýarlar* (A. Durdyýew).

**HAÝDATDYRMAK**, *işl.* Haýdamaga mejbur etdirmek, haýdar ýaly etdirmek.

**HAÝDATMAK**, *işl.* **1**. Haýdamaga mejbur etmek, haýdar ýaly etmek. *Ýol uzakdyr, atlary gaty haýdadyň!*

**HAÝDAÝYŞ**, *iş ady.* Haýdamak ýagdaýy.

**HAÝ-DEK: haý-dek diýmek** *ser.* **Haý diýmek**. *Bir haý-dek diýen adam bolmazmy muňa?!* (A. Gowşudow).

**HAÝHAT** [haýha:t], *at.* **1**. Arman, haýp, wah. *Birisi talanyp, biri ýeňipdir, Haýhat gara ýere köp gan siňipdir* (Ç. Aşyrow). **2**. Gykylyk, zenzele, gopgun; horluk, görgi, jebir, sütem. *Öten gijäniň haýhadyny sen gören bolsadyň!*

**HAÝHATLY** [haýha:tly], *syp.* Azaply, jebirli, sütemli. *Tomus geçdi, güýz geçdi, haýhatly gyşam geldi.*

**HAÝ-HAÝ**, "Dur, sabyr et, gaty gitme" diýen many aňladýan ümlük. *Haý-haý seniň ýörişiň, arslana, şire ogşar* (Kemine). – *Haý-haý, heleý, öwünseňem ýagdaýy bilen öwün – diýip, ynanmazlyk etjek boldy* (N. Pomma).

**HAÝ-HAÝLY**, *syp.* **1**. Örän gyzgalaňly, aldym-berdimli, şowhunly. *Başlanýar obanyň haý-haýly güni, Gijesi-gündizi ýatyrmaz ony* (A. Kekilow). **2**. Dabaraly, gürrüňli. *Haý-haýly geň bir waka adamlarda uly täsir galdyrdy.*

**HAÝ-HAÝOW** [haý-haýo:w], "Baý-baý, älhepus, bä" ýaly many aňladýan ümlük. *Haý-haýow, munuň ulag bolaýşyny!*

**HAÝ-HOWAÝY** [ha:ý-howa:ýy], *syp.* Manysy, mazmuny howaýy bolan, biderek, bolgusyz, ugursyz. *Haý-howaýy söz.*

**HAÝ-KÜŞ: haý-küş etmek** gowy bolmaga, erbetlik etmezlige ündemek, etmişi üçin ýazgarmak, haý diýmek.

**HAÝKYLYK**, *at.* Gykylyk, galmagal, jenjel. *Arabaçy keselliniň haýkylygynyň arasyna "hä-çüw" diýip, sesini goşdy* (B. Gurbanow).

**HAÝKYLYKLABERMEK** [haýkylykla:vermek], *işl.* Haýkylyklap başlamak.

**HAÝKYLYKLAMA**, *iş ady.* Haýkylyklamak ýagdaýy.

**HAÝKYLYKLAMAK**, *işl.* Gykylyk, galmagal etmek, haýkylyk etmek.

**HAÝKYLYKLAMAKLYK**, *iş ady.* Haýkylyklamak ýagdaýy.

**HAÝKYLYKLAÝYŞ**, *iş ady.* Haýkylyklamak ýagdaýy.

**HAÝKYRMA**, *iş ady.* Haýkyrmak ýagdaýy.

**HAÝKYRMAK**, *işl.* **1**. Birine haýbatly we gaharly gygyrmak, käýinmek. **2**. Batly kişňemek. *Aty kişňäp haýkyrýar, Oba ýakyn ýetipdi* (A. Alamyşow).

**HAÝKYRMAKLYK**, *iş ady.* Haýkyrmak ýagdaýy.

**HAÝKYRTMAK**, *işl.* Batly kişňetmek. *Ol atyny haýkyrdyp geçip gitdi.*

**HAÝKYRYBERMEK** [haýkyryvermek], *işl.* Birine haýbatly we gaharly gygyrybermek.

**HAÝKYRYŞ**, *iş ady.* Haýkyrmak ýagdaýy.

**HAÝKYRYŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup haýkyrmak. *Atlar biri-birine haýbat atyşdylar, haýkyryşdylar* (B. Kerbabaýew).

**HAÝP**, *at.* **1**. Birine ýa-da bir zada nebsiň agyrap, rehimiň gelip, ah çekmegi aňladýan söz. *Haýp, abat iller ber-bibat boldy, Dostlar gamgyn bolup, duşman şat boldy* (Zelili). **2**. *hal.* Biderek, beýhuda, netijesiz. *Oglanlaryň kakasy bu dünýäden haýp gitdi-dä.*

◊ **Haýpyň gelmek** nebsiň agyryp, gaty gynanmak. *Haýpy geldi, gapdalynda perzendi, Hem nury didesi, hem jigerbendi* (A. Kekilow).

**HAÝPYGYBERMEK** [haýpyğyvermek], *işl., ser.* Haýpygyp başlamak.

**HAÝPYGYŞ** [haýpyğyş], *iş ady.* Haýpykmak ýagdaýy, derejesi.

**HAÝPYKMA**, *iş ady.* Haýpykmak ýagdaýy.

**HAÝPYKMAK**, *işl., ser.* **Haýykmak**.

**HAÝPYKMAKLYK**, *iş ady.* Haýpykmak ýagdaýy.

**HAÝRAN** [haýra:n], *hal, at.* **1**. Geň, täsin galmagy aňladýan söz. **2**. Birine ýa-da bir zada ýigrenç döräp, gaharlanyp aýdylýan söz, käýinç. *Bu haýrany näme üçin saklaýarsyň!*

**HAÝRAT** [haýra:t], *at, kön. s., ser.* **Haýyr 2**. *Köp kişige haýrat etdim. Müşgilim asan eýledi* ("Hüýrlukga – Hemra"). *Şiraly beg iline gaýdyp baryp, kän haýratlar edipdir* ("Kasym oglan").

**HAÝSY**, Köp zadyň birini anyklamak üçin ulanylýan sorag çalyşmasy. *Sen haýsy mekdepde okaýarsyň?*

◊ **Haýsy aşyň gatygy?** äsgermezçilik, göwnüýetmezçilik manysynda ulanylýan durnukly aňlatma. *Sen haýsy aşyň gatygy bolup biljek?* **Haýsy biri?** Birnäçe adamyň ýa-da başga bir topar zadyň anyk haýsysy. *Oglanlaryň haýsy biri seniň göwnüňe degdi. Oňa oraklaryň haýsy birini berdiň?* **Haýsy deşige girjegiňi bilmezlik** dürli sebäbe görä biriniň gözüne görünmekden utanyp, gaty aljyramak. *Men haýsy deşige girjegimi bilemok* (R. Allanazarow).

**HAÝSYNJY**, *çal.,* gepl.d. Bir zadyň, biriniň sanyny, tertibini we ş.m. anyklamak üçin ulanylýan sorag sözi.

**HAÝT**, *at.* **1**. Käbir haýwana duýduryş, medet bermek, ugrukdyrmak maksady bilen aýdylýan söz. *Düýä haýt diýmek – medet* (Nakyl). *Ol ýaba gözüni alardyp, "haýt" diýip, irişmesini silkdi* (A. Durdyýew). **2**. Birine ätiýaçlygy, seresaplygy we ş.m. duýdurmak üçin ýüz tutulyp aýdylýan söz. *Haýt, ýykylaýma, berk ýapyş!*

**HAÝT-HAÝT**, *üml., ser.* **Haýt 1**. *Olar gözlerini depesine dikip, buýtar-suýtar edýän düýelere: – "haýt-haýt" – diýip, ýollaryny dowam etdiler* ("Edebiýat we sungat").

**HAÝUK** [haýu:k]: **bir haýukdan** birnäçe wagt geçenden soň, esli wagtdan soň. *Bir haýukdan özüne geldi* (A. Durdyýew).

**HAÝWAN** [haýwa:n], *at.* **1**. Ýabany ýa-da eldeki jandar, mal-gara, janawar. *Magtymguly, haýwan bilse balasyn, Ynsan bagryn duzlamaýan bolarmy?* (Magtymguly). **2**. *gepl.d.* Bolgusyz, ýaramaz, adamkärçiliksiz adama aýdylýan gödek söz.

◊ **Haýwan kädi** dilim-dilim görnüşli, paçagy galyň togalak kädi.

**HAÝWANAT** [haýwa:nat], *at.* Tebigatyň jandarlara degişli bir görnüşi; haýwanlaryň jemi, haýwanlar.

◊ **Haýwanat bagy** ýabany we käbir öý haýwanlary saklanýan, köpçülige görkezilýän we öwrenilýän ylmy, aň-bilim edarasy. *Men haýwanat bagyna bardym.* **Haýwanat dünýäsi** haýwanlar, haýwanlaryň jemi. *Haýwanat dünýäsi hem örän köp dürlüdir.*

**HAÝWANÇYLYK** [haýwa:nçylyk], *at, ser.* **Haýwanlyk**.

**HAÝWANLYK** [haýwa:nlyk], *at.* Haýwan häsiýetine mahsus gylyklylyk.

**HAÝ-WAÝ** [ha:ý-wa:ý], *üml.* Kynçylykly ýagdaýa düşülende kömek islenip aýdylýan söz.

◊ **Haýyna-waýyna garamazlyk** öz ygtyýaryna, islegine goýmazlyk, güýç, zorluk görkezmeklik.

**HAÝYGYBERMEK** [haýyğyvermek], *işl.* Heder edibermek, sussuň basylybermek.

**HAÝYGYŞ** [haýyğyş], *iş ady.* Haýykmak ýagdaýy.

**HAÝYKDYRMAK**, *işl.* Geň, haýran galdyrmak, sussuny basmak, heder etdirmek. *Bukjadan çykan hat bizi haýykdyrdy.*

**HAÝYKMA**, *iş ady.* Haýykmak ýagdaýy.

**HAÝYKMAK**, *işl.* Geň galyp, sussuň basylmak, heder etmek. *Gapynyň urluşyndan, Çerkeziň çasly sesinden haýygan Sazak işigi içki geýiminde gelip açdy* (B. Kerbabaýew). *Serdar haýyganlygyny bildirmezlik üçin şahyryň sowalyna bada-bat jogap berdi* (S. Myradow).

**HAÝYKMAKLYK**, *iş ady.* Haýykmak ýagdaýy.

**HAÝYN** [ha:ýyn], *at,syp.* Halkyna, il-gününe,Watanyna dönüklik edýän, dönük, ähtiýalan.

**HAÝYNÇYLYK** [ha:ýynçylyk], *at, ser.* **Haýynlyk**.

**HAÝYNÇYLYKLY** [ha:ýynçylykly], *syp.* Ähtiýalanlyk, haýynçylyk bilen.

**HAÝYNLYK** [ha:ýynlyk], *at.* Dönüklik, ähtiýalanlyk, haýynçylyk.

**HAÝYR**, *at.* **1**. Söwda-satykdan görülýän peýda, girdeji, düşewünt. *Halal işle – haýyr tap* (Nakyl). **2**. Işde, durmuşda we ş.m. alynýan, görülýän, berilýän goldaw, ýardam, bähbit. *Haýyr işi goýsaň, şere döner, şer işi goýsaň – haýra* (Nakyl).

◊ **Haýra çapmak** peýda görmäge çalyşmak, nep gözlemek, öz haýryň, bähbidiň üçin dyrjaşmak. **Haýryndan geçmek** owarram etmek, näme bolsaň, şo bol etmek. **Haýryny gör!** Söwda-satykda, täze zat alnanda ″goý derdiňe, geregiňe ýarasyn″ diýen manyda ulanylýan durnukly söz düzümi. **Haýyr işi şer etmek** bähbitli ýagdaýdan, oňaýly işden ýüz öwürmek, oňaýly işi harama çykarmak. *Sabyr edenler gara dagy ýer eder, bisabyrlar haýyr işi şer eder* (Nakyl).

**HAÝYRLANMA**, *iş ady.* Haýyrlanmak ýagdaýy.

**HAÝYRLANMAK**, *işl.* Bir zadyň ýa-da biriniň peýdasyny, haýryny, kömegini görmek, peýdalanmak, ulanmak. *Ýerden köp haýyrlanmak maksady bilen gawundyr garpyzy köp ekdik.*

**HAÝYRLANMAKLYK**, *iş ady.* Haýyrlanmak ýagdaýy.

**HAÝYRLANYBERMEK** [haýyrlanyvermek], *işl.* Bir zady peýdalanybermek, ulanybermek.

**HAÝYRLANYŞ**, *iş ady.* Haýyrlanmak ýagdaýy.

**HAÝYRLY**, *syp.* **1**. Peýdaly, düşewüntli, gazançly, girdejili. **2**. Işde, durmuşda we ş.m. peýdasy, goldawy degýän, bähbidi bolan.

**HAÝYRLYLYK**, *at.* **1**. Peýdalylyk, düşewüntlilik, girdejililik, gazançlylyk. **2**. Işde, durmuşda we ş.m. peýdalylyk, goldawlylyk, bähbitlilik.

**HAÝYR-SAHAWAT** [haýyr-saha:wat], *at.* Haýyr hem ýagşylyk, kömek, ýardam, haýyr-yhsan. *Munuň öz kowum-garyndaşyna, öz obasyna edýän haýyr-sahawatynyň hetdi-hasaby ýok* (B. Kerbabaýew).

**HAÝYR-SAHAWATLY** [haýyr-saha:watly], *syp.* Haýyr-sahawat edýän.

**HAÝYR-SOGAP** [haýyr-soğa:p], *at.* Ýagşylyk edip, alynýan alkyş.

**HAÝYRSYZ**, *syp.* **1**. Peýdasy, düşewündi ýok, girdejisiz. **2**. Peýdasyz, nepsiz, bähbitsiz.

**HAÝYR-ŞER**, *at.* **1**. Tekiz ýere yzly-yzyna ″haýyr″ diýip bir çyzyk, ″şer″ diýip, ýene bir çyzyk çyzyp atylýan palyň bir görnüşi. **2**. Hem haýyr-yhsany, hem şeri öz içine alýan ýagdaý.

**HAÝYR-YHSAN** [haýyr-yhsa:n], *at, ser.* **Haýyr--sahawat**.

**HAÝYŞ** [ha:ýyş], *at.* Birinden bir zady ýüz tutup sorama, towakga etme.

**HAÝYŞNAMA** [ha:ýyşna:ma], *at.* Ýüz tutulyp, towakga edilip ýazylýan hat.

**HAÝYT**, *at.* **1**. Dini baýram, aýyt. *Uly haýyt (orazadan soňky ilkinji baýram). Kiçi haýyt (gurban baýramy).* **2**. Oglana dakylýan at.

**HAÝÝAR** [haýýa:r], *syp.* Haýasyzlyk bilen galmagal, gykylyk turuzýan, nadara, jenjelçi, şermende. *Bu adam hiç bir derde ýaramajak haýýar eken-ow!* (A. Gowşudow).

**HAÝÝARÇYLYK** [haýýa:rçylyk], *at, ser.* **Haýýarlyk**. *Gelniniň haýýarçylygyndan garry eýmenmän hem durmady* (Ş. Borjakow).

**HAÝÝARLYK** [haýýa:rlyk], *at.* Haýýar gylyk-häsiýetlilik, haýasyzlyk, nadaralyk. *Hatda ol gürlän wagty haýýarlyk bilen gözünden ýaş hem çykardy* (A. Gowşudow).

**HAÝÝAT** [haýýa:t], *at, k. d.* Geýim biçip tikýän tikinçi. *Magny bazarynda haýýata döndüm, Şirin gazal donun biçdim, ýaranlar* (Magtymguly).

◊ **Haýýaty göçmek** gaty gorkup, el-aýagyny ýitirmek, zähresi ýarylmak. *Oslagsyz wakadan haýýaty göçen ýigit bogazyna sygdygyndan gygyrdy.*

**HAZAN**, *at.* Hijri-kamary ýyl hasaby boýunça akrabyň öň ýanyndaky hasap-hesip, güýz paslynyň ýapraklar dökülip, ekinleri sowuk urýan döwri. *Hazan wagtyna ýetende, Ter açylan güller galmaz* (Seýdi).

◊ **Hazan ýeli 1)** akrabyň öň ýanynda ösýän ýiti sowuk ýel. **2)** betbagtlyk, horluk, zulum. **Hazan oky** ölüm-ýitim, ajal, betbagtlyk, bela. *Hazan okun taýýar eden bu jahan, Gözün ýumup, her ýan atyp baradyr* (Magtymguly). **Hazan uran (urmuş)** g*epl.d.* ýitiren, tapmaýan zadyň barada gaharyňa aýdylýan aňlatma (köplenç, aýal maşgalalar tarapyndan ulanylýan söz). – *Hazan uran, iňňäni nirä atanymy bilemok*. **Hazan**

**urmak** akrabyň öň ýanynda sowuk urmak. ... *Hazan ursa, solar açylan güller* (Magtymguly).

**HAZAR**, *at, k. d., ser.* **Heder**. *Meniň gazabymdan hazar etmediň* ("Saýatly – Hemra"). *Şa rugsat bermez diýip, hazar eýleme, Giden bolsaň, uzak ýollar seniňdir* ("Zöhre – Tahyr").

**HAZLAMA** [hazylama], *iş ady.* Hazlamak ýagdaýy.

**HAZLAMAK** [hazylamak], *işl.* Hazzyldyly seslenip gelmek (ýel, şemal hakynda). *Daşarynyň sowugy jebis ýapylmaýan gapydan hazlap duransoň, içip oturan çaýymyzyň mazasyny alýardy.*

**HAZLAMAKLYK** [hazylamaklyk], *iş ady.* Hazlamak ýagdaýy.

**HAZLAŞMAK** [hazylaşmak], *işl.* Töwerek-daşdan hazlamak; birsyhly hazlap durmak. *Oraçanyň açyk ýerlerinden hazlaşyp urýan şemal ýakymsyzdy*.

**HAZLAWUK** [hazylowuk], *syp.* Hazzyldyly seslenýän, hazlap ses edip duran (şemal hakda). *Hazlawuk sowuk şemal.*

**HAZLAÝYŞ** [hazylaýyş], *iş ady.* Hazlamak ýagdaýy.

**HAZYNA** [hazy:na], *at.* **1**. Döwlet we hususy emlägi hem-de onuň saklanýan jaýy, ýeri. **2**. Bir zadyň ätiýajy bolup, hyzmat edýän baýlyk, mal-mülk, pul, emläk we ş.m. **3.** Ýere gömülip, ýa-da bukulyp goýlan gymmatbaha zatlar, baýlyk, genç (gyzyl, kümüş we ş.m.). **4.** Ýerasty we ýerüsti baýlyklar.

**HAZYNAÇY** [hazy:naçy], *at.* Hazyna saklaýan adam, hazynadar.

**HAZYNADAR** [hazy:nada:r], *at.* **1**. *ser.* **Hazynaçy**. **2**. Hazynanyň çeşmesi, baýlygyň köp ýeri.

**HAZZAR** [hazza:r], *hal, gepl. d.* **1**. Munça köp zat. *Bu hazzar zady näme etjek.* **2**. Kynlyk bilen, zordan. *Öňden barýan ata hazzar deňleşdi* (O. Ödäýew).

**HAZZYK**, *syp, gepl. d.* Ynanjaňlykdan ýaňa öz zadyny saklap, eýelik edip bilmeýän, zadyny ýersiz ýere harçlaýan (adam).

**HAZZYKLYK**, *at, gepl. d.* Hazzyk häsiýetlilik.

**HAZZYLDABERMEK** [hazzylla:vermek], *işl.* Hazzyldyly seslenibermek, hazzyldy sesini edibermek.

**HAZZYLDAMA** [hazzyllama], *iş ady.* Hazzyldamak ýagdaýy.

**HAZZYLDAMAK** [hazzyllamak], *işl.* Hazzyldyly seslenmek.

**HAZZYLDAÝYŞ** [hazzyllaýyş], *iş ady.* Hazzyldamak derejesi.

**HAZZYLDY** [hazzylly], *at.* Ýel güýjände ýa-da motor işlände we ş.m. zatlar herekete gelende döreýän sesiň ady.

**HAZZYLDYLY** [hazzyllyly], *syp.* Hazzyldap seslenýän, hazzyldyly ses edýän.

**HAZZYWÖTEN** [hazzywötön], *syp., gepl. d.* Öz peýdasyny bilmeýän, ertäniň aladasyny etmeýän (adam hakynda).

**HE** [he:], Türkmen milli elipbiýiniň "H" harpynyň ady.

**HEBENT** [hevent]**: hebent bolmak** biri-biriň bilen goşulyşyp, bilelikde işi ýerine ýetirmek, bir işi etmek üçin iki-üç bolup birleşmek. *Hebent bolup dokma dokamak.*

**HEBES** [heves], *syp.* Biderek, ýerliksiz, peýdasyz, bihuda. *Akylla bir söz bes, akmaga müň söz hebes* (Nakyl).

**HEBEŞI** [heveşi], *at, kön.s.* Ýerligi Hebeşistandan bolan garaýagyz adam. *Hebeşi sypatynda özüni gul edip, bende bazarynda ... müň tylla berip, Garyby satyn aldy* ("Şasenem – Garyp").

**HEÇJERIBERMEK** [heçjerivermek / hetjerivermek], *işl.* Biriniň üstüne çikjeribermek, haýbatlanybermek

**HEÇJERILMEK** [heçjerilmek / hetjerilmek], *işl., ser.* **Heçjermek**. *Dursunjemal Annagülüň üstüne has heçjerildi* (N. Saryhanow).

**HEÇJERIŞ** [heçjeriş / hetjeriş], *iş ady.* Heçjermek ýagdaýy.

**HEÇJERIŞMEK** [heçjerişmek / hetjerişmek], *işl.* Köpçülik bolup, birnäçe bolup heçjermek.

**HEÇJERME** [heçjerme / hetjerme], *iş ady.* Heçjermek ýagdaýy.

**HEÇJERMEK** [heçjermek / hetjermek], *işl.* Biriniň üstüne hondanbärsi bolup çikjermek, haýbat atmak.

**HEÇJERTMEK** [heçjertmek / hetjertmek], *işl.* Birine heçjermäge ýol bermek, mümkinçilik bermek. *Men ony üstüme heçjerdip bilmerin*.

**HEÇJIKLEME** [heçjikleme / hetjikleme], *iş ady.* Heçjiklemek ýagdaýy.

**HEÇJIKLEMEK** [heçjiklemek / hetjiklemek], *işl.* **1**. Sowat öwrenilip başlananda, sözleri bogun-bogun, harpma-harp okamak. *Soň bolsa "Bibijemal" diýen sözbaşyny heçjikläp okadym* (R. Gelenow). **2**. *göç.m.* Şol bir zady zol gaýtalap, öwran-öwran aýdyp, tekrarlap durmak, ýanjamak. *Turan badyna ýene heçjikläp, öňki heňine tutdy* (A. Nazarow).

**HEÇJIKLEMEZLIK** [heçjiklemezlik / hetjiklemezlik], *iş ady.* Heçjikläp okamazlyk, gürlemezlik, durmazlyk, oturmazlyk.

**HEÇJIKLEŞMEK** [heçjikleşmek / hetjikleşmek], *işl.* Köpçülik bolup, birnäçe bolup heçjiklemek. *Birinji synp okuwçylary haty heçjikleşip okaşyp otyrdylar.*

**HEÇJIKLETDIRMEK** [heçjikletdirmek / hetjikletdirmek], *işl.* Heçjiklär ýaly etdirtmek.

**HEÇJIKLETMEK** [heçjikletmek / hetjikletmek], *işl.* Heçjiklemäge mejbur etmek. *Haty heçjikledip okatmak.*

**HEÇJIKLEÝIŞ** [heçjikleýiş / hetjikleýiş], *iş ady.* Heçjiklemek ýagdaýy.

**HEDER: heder etmek** çekinmek, gorkmak, haýykmak, ätiýaç etmek. *Ol atynyň bir zatdan heder edýändigini aňdy* (A. Gowşudow). *Heder etse gylyç bilen naýzadan, köp tapylar ýumrugyny oýnadan* (G. Ezizow).

**HEDÝE** [hedýe], *at,k. d.* Birine sowgat hökmünde berilýän peşgeş. *Bu janym nagt getirdim saňa hedýe bermäge* (Talyby).

**HEK**, *at.* Senagatyň himiýa, rezin we beýleki pudaklarynda ulanylýan ýumşak ak daş, şonuň ýaly-da şol daşyň ýazuw, çyzuw, agardyş, arassalaýyş we ş.m. işler üçin ulanylýan bölegi, külkesi, ergini. *Ol elindäki jontuk sübse ýaly çotga bilen hek çalyp, agaçlaryň düýbüni agardyp ýör* (N. Pomma). *Körpe jigim ak hek alyp eline, Klas tagtasyna adyny ýazdy* (M. Seýidow).

◊ **Hek etmek** *gepl.d.* Bir işi ökdelik bilen berjaý etmek, ýerine ýetirmek. *Okaman näme? Hek ederin.*

**HEKAÝA** [heka:ýa], *at.* **1**. Bir wakany beýan edýän, kyssa görnüşli ýazylan çaklaňrak çeper eser. **2**. Gürrüň, hekaýat. *Myrat aga Han küýlä gözüni alardyp: – Men saňa gyzykly hekaýa aýdyp bereýin! – diýdi* (A. Durdyýew).

**HEKAÝAÇY** [heka:ýaçy], *at.* **1**. Hekaýa aýdyp bermäge ökde adam. **2**. Hekaýa ýazýan ýazyjy.

**HEKAÝALYK** [heka:ýalyk], *syp.* Hekaýa bolar ýaly, ýazar ýaly.

**HEKAÝAT** [heka:ýat], *at.* Bolup geçen ýa-da bolup duran waka, hadysa, ýagdaý. *Bu nämäniň hekaýatyka?!* ("Görogly").

**HEKEM**, *at.* **1**. Üstünde oturar ýaly agaçdan galdyrylan desga. *Indi bu ýeri garrylar hekem edipdirler* (A. Gowşudow). *Sopy pessejik hekemine çykyp töweregine göz gezdirdi* (B. Kerbabaýew). **2**. Elguş, towuk we ş.m. oturar ýaly palçykdan ýa-da agaçdan ýasalan beýiklik. **3**. *göç. m.* Mesgen, mekan. *Niçe ýyllar baýguşlara Hekem boldy ol haraba* (Ç. Aşyr). **4**. *göç. m.* Eýe. *Ol nirede gazan gulagy gyzdyrylýan bolsa, şol ýerin hekemidir.*

**HEKEMSIREME**, *iş ady.* Hekemsiremek ýagdaýy.

**HEKEMSIREMEK**, *işl.* Eýemsiremek, özüni eýesi saýmak (toý ýerinde, her hili üýşmeleňlerde).

**HEKEMSIREÝIŞ**, *iş ady.* Hekemsiremek ýagdaýy.

**HEKERJEKLEMEK**, *işl.* Ýalt-ýult edip, töweregiňe seretmek, keýerjeklemek. *Görsem saýawanly owadan bir gyz, Gülüp hekerjekläp esedýär tiz-tiz* (Ç. Gurbangylyjow).

**HEKERJEKLETMEK**, *işl.* Hekerjeklär ýaly etmek, keýerjekletmek. *Agajyň üstünde oturan guş kellesini hekerjekledip, töweregine garaýardy.*

**HEKERJEKLEÝIŞ**, *iş ady.* Hekerjeklemek ýagdaýy.

**HEKGAL** [hekga:l], *at.* Iki ujy ýonulan, barmak ýogynlygyndaky agaçjygy bir sere boýly uzyn taýak bilen kakyp oýnalýan oýun we şol kiçijik agaçjyk. *Çagalar hekgal oýnaýarlar.*

**HEKGERIBERMEK** [hekgerivermek], *işl.* Hekgerip başlamak.

**HEKGERILME**, *iş ady.* Hekgerilmek ýagdaýy.

**HEKGERILMEK**, *işl., ser.* **Hekgermek**. *Oglanjyk hekgerilip, örän batyrgaý gepledi*.

**HEKGERIŞ**, *iş ady.* Hekgermek derejesi.

**HEKGERIŞMEK**, *işl.* Birnäçe bolup hekgermek. *Öýüň gözeneginde gybat edip oturan aýallar hem ony görüp, hekgerişip seretdiler* (N. Saryhanow).

**HEKGERME**, *iş ady.* Hekgermek ýagdaýy.

**HEKGERMEK**, *işl.* **1**. Edermen we dogumly bolan bolup dikgermek, gopbarmak, hekgerilmek. **2**. Dikgi görnüşe geçmek dikgermek, dikelmek. *Ine, şu baryşda, birden onuň ýabysy boýnuny hekgerdip, ýoluny kesip geçen baýtaly gördi-de kişňedi* (A. Durdyýew).

**HEKGERMEKLIK**, *iş ady.* Hekgermek ýagdaýy.

**HEKGERTMEK**, *işl.* Hekgerer ýaly etmek, boýnuny dik galdyrmak. *Birden onuň ýabysy boýnuny hekgerdip kişňedi*.

**HEKGILDEME** [hekgilleme], *iş ady.* Hekgildemek ýagdaýy.

**HEKGILDEMEK** [hekgillemek], *işl.* Boýnuňy, bedeniňi dik tutup, dikelibräk, dirkildäp ýöremek. *Ol, artele ýakynlanyndan, tahýasyny maňlaýyna geýip, hekgildän bolup ýöredi* (A. Durdyýew).

**HEKGILDÄBERMEK** [hekgillä:vermek], *işl.* Hekgildäp ugramak.

**HEKIM** [heki:m], *at.* **1**. Syrkawa, hassa em edýän lukman. *Ol hekimleri ýygnady* ("Zöhre – Tahyr"). **2**. Oglana dakylýan at.

**HEKIMÇILIK** [heki:mçilik], *at.* Keselleri bejermek we olaryň öňüni almak hakyndaky ylym, lukmançylyk.

**HEKLEÇ**, *syp.* Hek garyndyly, hek gatyşykly. *Hekleç ýer.*

**HEKLEME**, *iş ady.* Heklemek ýagdaýy.

**HEKLEMEK**, *işl.* Hek çalyp agartmak, hek çalmak. *Okuwçylar baglary hekläp we dermanlap gutardylar*.

**HEKLEMEKLIK**, *iş ady.* Heklemek ýagdaýy.

**HEKLENMEK**, *işl.* Hek çalynmak, hek çalnyp agardylmak. *Agaçlaryň düýbi heklenipdir*.

**HEKLEŞDIRMEK**, *işl.* Bir ýanyndan hekläp çykmak.

**HEKLEŞMEK**, *işl.* **1**. Heklemäge kömekleşmek. *Men bagbana birnäçe agajyň düýbüni hekleşdim.* **2**. Bilelikde heklemek. *Okuwçykar agaçlaryň düýbüni hekleşip ýördüler.*

**HEKLETDIRMEK**, *işl.* Birine hek çaldyrtmak.

**HEKLETMEK**, *işl.* Heklemek işini başga birine etdirmek.

**HEKLEÝIŞ**, *iş ady.* Heklemek ýagdaýy.

**HELAL** [hela:l], *at, k. d.* **1**. Täze dogan Aý; owadan, gözel. *Göründiňiz maňa helal dek bolup* (Baýly şahyr). **2**. *göç.m.* Söýgüli.

◊ **Gaşy helal** täze dogan aý ýaly gaş. *Bu ýerde ýokdur dermanym, Gaşy helalym aldyrdym* ("Şasenem – Garyp"). *Agzy çün pissedir, lebleri baldyr, Gözleri pyýala, gaşy helaldyr* (Zelili).

**HELE-HÜLE** [hele-hülö], *syp.* Helemüçük. *Öz-ä hele-hüle zat däl-ow, başardarmyka?* (B. Pürliýew).

**HELEMIK**, *at.* Bulamak bolup ýatan suwuklyk.

**HELEMÜÇÜK**, *syp.* Eýle-beýle, ýöne-möne, hele-hüle, sähelçe, ýönekeý, kiçijik. *Ahaw, şu iş helemhüçük iş däl. Şuny ýedi ölçäp, bir keseliň!* (B. Öwezow).

**HELEÝ**, *at, gepl. d., ser.* **Aýal**. *Heleý, hudaý diýen ýerimiz bar eken!* (B. Seýtäkow).

**HELEÝLIK: heleýlik etmek** *gepl. d.* bir işde, meselede ejizlik etmek, sözüňde tapylmazlyk. *Ynha heleýlik edýänler!*

**HELÄK** [helä:k]: **heläk bolmak 1)** gurban bolmak, ölmek. *Ondaky gahrymanlarça heläk bolan ogullarymyz asyl ýadymyzdan çykmaz* (B. Pürliýew). **2)** bir zadyň ugrunda köp azap çekmek, görgi görmek, alada galmak, halys bolmak, ýadamak, horlanmak. *Tizräk sürüň! Garaňky düşse, heläk bolarys!* (G. Kulyýew). **Heläk etmek 1)** bir zadyň ugrunda gurban etmek, öldürmek. **2)** bir zadyň ugrunda köp azap çekdirmek, görgä, alada goýmak, halys etmek, ýadatmak, horlatmak.

**HELÄKÇILIK** [helä:kçilik], *at.* Jebir-süteme, azaba duçar bolmaklyk, görgi görmeklik, horluk çekmeklik, heläklik.

**HELÄKÇILIKLI** [helä:kçilikli], *syp.* Jebir-sütemli, heläk ediji.

**HELÄKLEME** [helä:kleme], *iş ady.* Heläklemek ýagdaýy.

**HELÄKLEMEK** [helä:klemek], *işl.* **1**. Ölüme sezewar etmek, öldürmek. *Bilip bolmaz, şowna düşmez birdenkä, Örän hatarly iş heläklär, belkä!*(A. Kekilow). **2**. Azap baryny bermek, görgi görkezmek, gaty horlamak, halys etmek. *Olar Göroglyny birneme heläklejekdiler* ("Görogly").

**HELÄKLEMEKLIK** [helä:klemeklik], *iş ady.* Heläklemek ýagdaýy.

**HELÄKLETDIRMEK** [helä:kletdirmek], *işl.* Heläk etdirmek.

**HELÄKLETMEK** [helä:kletmek], *işl.* Heläk etmäge ýol bermek. *Çopanlar sürini heläkletdiler.*

**HELÄKLEÝIŞ** [helä:kleýiş], *iş ady.* Heläklemek ýagdaýy.

**HELIKSALAM** [heli:ksala:m], *at.* Aýal maşgalalaryň berlen salama jogap salamy. *Heliksalam! Ynha, Aýgülüň özi geldi* (B. Kerbabaýew).

**HELLEWLEME** [hellöwlömö], *iş ady.* Hellewlemek ýagdaýy.

**HELLEWLEMEK** [hellöwlömök], *işl.* **1**. Salgym atyp galgamak, iki-baka yraň atmak. *Häzirbegjan ýurdunyň baglary alysdan hellewläp göründi* ("Saýatly – Hemra"). **2**. Sölpüldäp ýörmek, biderek ygyp ýörmek. *Onsoň göreniň agzyna aňkarlyp, hellewläp ýörmegiň sebäpli hem sen bihepbe bolýarsyň* (A. Gowşudow).

**HELLEWLEŞMEK** [hellöwlöşmök], *işl.* Köp bolup hellewlemek. *Ol agaçlar hellewleşip duran baglyk bolar*.

**HELLEWLETMEK** [hellöwlötmök], *işl.* Salgym atyp galgatmak, iki-baka yraň atdyrmak. *Bürgüt äpet ganatlaryny hellewledip, ýokary galdy*.

**HELLEWLEÝIŞ** [hellöwlöýüş], *iş ady.* Hellewlemek ýagdaýy.

**HEM**, *köm. s.* **1**. Sözlemiň deňdeş agzalaryny, düzmeli goşma sözlemleri özara baglanyşdyrýan baglaýjy kömekçi. **2**. Güýçlendiriji ownuk bölek.

◊ **Hem daýyňlara gitmek, hem taýyňa baş öwretmek** birbada birnäçe işi ýerine ýetirmek, köp işi amala aşyrmak. **Hem hoz gerek**, **hem hozuň mürrügi** gowudan-gowusyny islemek, zat dandamak, kanagat etmezlik.

**HEMAÝAT** [hema:ýat], *at.* Birine edilýän kömek, ýardam, goldaw.

**HEMAÝATÇY** [hema:ýatçy], *at.* Hemaýat ediji, kömek beriji, hemaýatkär.

**HEMAÝATÇYLYK** [hema:ýatçylyk], *at.* Hemaýat edijilik, hemaýat, ýardam berijilik, goldaw edijilik, hemaýatkärlik.

**HEMAÝATKÄR** [hema:ýatkä:r], *at, ser.* **Hemaýatçy**.

**HEMAÝATKÄRLIK** [hema:ýatkä:rlik], *at, ser.* **Hemaýatçylyk**. *Oňa özüm hemaýatkärlik ederin* (G. Kulyýew).

**HEMAÝATLY** [hema:ýatly], *syp.* **1**. Goldaw berýän, göwün göteriji. *Hemaýatly söz.* **2**. Hemaýaty bolan, arka daýançly, arkaly.

**HEMAÝATSYZ** [hema:ýassyz], *syp.* **1**. Goldawsyz, kömeksiz, ýardamsyz. *Hiç kimden hemaýatsyz özi turmakçy boldy* (B. Seýtäkow). **2**. Hemaýaty bolmadyk, arkasyz.

**HEMAÝYN** [hema:ýyn], *syp.* Mesawy, özara, asuda, ýönekeý (esasan gürrüň hakynda). *Emma ol öz rahatyny bozman, hemaýyn sözlemäge başlady* (B. Kerbabaýew). *Aramyzda hemaýyn gürrüň gidýärdi* ("Edebiýat we sungat").

**HEMDEM**, *at.* Ýakyn pikirdeş, ýoldaş, çyn dost, syrdaş. *Akyl olsaň, ýagşylara hemdem bol, Akmak özün nadan bile ýar eýlär* (Magtymguly). *Iki jahan byradarym, hemdemim, Gel, Seýdim, ýara seýle gideli* (Zelili).

**HEMDEMLIK**, *at.* Ýakyn pikirdeşlik, ýoldaşlyk, çyn dostluk, syrdaşlyk. *Hemdemlik etmek*.

**HEMDEST** [hemdes], *syp.* Ýakyn, içgin aragatnaşyk edýän, dost. *Anyň dosty bile hemdest bolsa* (Abdysetdar Kazy).

**HEMDIL**, *syp., k.d.* Tüýs ýürekden dost, syrdaş, ýürekdeş. *Iki hemdil iýse bir lukma nandan* (Sopy Allaýar).

**HEMHANA** [hemha:na], *at.* Bir öýde, jaýda bile ýaşaýan, öýdeş. *Ata-ene diýgen iki hemhana, Bolsa gerek perzendige perwana* ("Melike – Dilaram"). *Men hem barsam Zöhre jana, Isterem bolsam hemhana* ("Zöhre – Tahyr").

**HEMIŞE** [hemi:şe], *hal.* **1**.Hemme wagt, elmydam, mydama, baky. **2**. Ozallar, ozal, öňler, öň. *Hemişeler odunsyz kösenilerdi.*

**HEMIŞEKI** [hemi:şeki], *syp.* Ozalky, owalky, öňki. *Çarwa mergen hemişeki endigini gaýtalap, telpegini çykardy* (B. Gurbanow).

**HEMIŞEKILIK** [hemi:şekilik], *at.* Haýsydyr bir zadyň öňki bolşy, öňki ýagdaýy. *Onuň hemişekiligi-hä däl! – diýip, Bäşimiň ýüzüne sowally seretdi* (J. Akyýew).

**HEMIŞELIK** [hemi:şelik], *hal.* Uzak wagtlyk, mydamalyk, bakylyk.

**HEMLE**, *at.* Gaharly edilýän abaý-syýasat, gazap, gahar.

◊ **Hemle urmak** gahar-gazaply geplemek, azm urmak, dazarylmak. *Pökgeniň aýaly onuň yzyndan hemle urdy hem gapyny ýapdy* (A. Gowşudow).

**HEMME**, *çal.* Zatlaryň, adamlaryň we ş.m. bary, ählisi, jemi. *Adamlaryň hemmesi. Kitaplaryň hemmesi şularmy?*

◊ **Hemmäni bir gözde görmek** bar adama deň garamak, ähli adama deň garaşyk etmek, hemmeler üçin bir häsiýetde bolmak, hiç kimden ýüz görmezlik.

**HEMMEJE**, *çal., gepl. d.* Mukdary azajyk zatlar, san taýdan az çaga üçin ulanylýar. *Pulumyň hemmejesini sowdum. Çagalaryň hemmejesi oýnap ýör.*

**HEMMETARAPLAÝYN**, *hal.* Bir zadyň ähli taraplaryny göz öňünde tutýan, ähli taraplaryny öz içine alýan, ähli taraplaryna üns berilýän.

**HEMRA** [hemra:], *at.* **1**. Biri bilen ugurdaş ýolagçy, ýoldaş, gürrüňdeş bolan adam. *Men Nejep bilen ýedi gije-gündiz hemra boldum* ("Nejep oglan"). **2**. Biri bilen mydama bile bolýan, durmuş ýoluny bile geçýän, aladasyny, gaýgysyny, şatlygyny bölüşýän adam. *Meniň söweşjeň hemralarym*. **3**. Saýýaralaryň (planetalaryň), ýyldyzlaryň daşynda aýlanýan asman jisimi. **4**. Oglana dakylýan at.

**HEMRALYK** [hemra:lyk], *at.* **1**. Biri bilen ugurdaşlyk, ýoldaşlyk. *Tebigat hem bulara hemralyk edýär* (G. Kulyýew). **2**. Ýakyn gatnaşykdaky ýagdaý, ýakynlyk. *Ol zähmetiň içinde dogup, önüp-ösdi we uzyn ömrüni zähmet bilen iň ýakyn hemralykda geçirdi* (A. Gowşudow).

**HEMSAPAK**, *hal, k. d.* Sapakdaş. *Köňül ýarany bile hemsapak bol* (Sopy Allaýar).

**HEMSAÝA** [hemsa:ýa], *at, k. d.* Goňşy. *Hemsaýa ýurtlardan adamlary çagyrmak gerek* ("Görogly"). *Golaý hemsaýaň-da gümangär bolar, Soramaňlar ýarsyzlygyň derdini* (Gaýyby).

**HEMSAÝALYK** [hemsa:ýalyk], *at.* Hemsaýa ýagdaýynda bolmaklyk, goňşy bolup ýaşamaklyk.

**HEMSÖHBET: hemsöhbet bolmak** söhbetdeş, gürrüňdeş bolmak. *Asyl, onuň özi bilen çaý içim salym hemsöhbet bolmanyň özi hem bir döwletdir* (B. Kerbabaýew).

**HEMSYRDAŞ**, *syp., k. d.* Syrdaş, ýoldaş, pikirdeş. *Gülkamar jan, habar bergil bizlere, Hemsyrdaşyň Zöhre jany gördüňmi?* ("Zöhre – Tahyr"). *Hemdem bolup gezen hemsyrdaşlarym, Deňim-duşum, ýary-ýaran gal imdi!*(Seýdi).

**HEMSYRDAŞLYK**, *at.* Syrdaş ýagdaýda bolmaklyk, hemsyrdaş bolup ýörmeklik.

**HEMŞERI**, *at.* Baryş-geliş edilýän, gatnaşyk edilýän ýoldaş, dost.

**HENDEK** [hennek], *at, ser.* **Händek**.

**HENEK**, *at.* Birine degmek üçin aýdylýan degişme, ýomak. *Bu ýerde seniň henek oýnuň gelişmeýär* ("Görogly"). *Ol sözüniň yzyny henege ýazdyryp: – Siziň şahyr göresiňiz geldimi? – diýdi* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Henek atmak (etmek)** oýunlyga salyp bir zat diýmek, oýun etmek, degişmek. *Sen henek atyp, meni oýnajak bolýarmyň!*

**HENEKLEME**, *iş ady.* Heneklemek ýagdaýy.

**HENEKLEMEK**, *işl.* Gözüň gubar baglan ýaly bolmak, gözüň öňi gamaşmak. – *Men sizi bir gören adamyma meňzedýärin weli, nirede görenimi ýadyma salyp bilemok ýa-da meniň gözüm henekläýendir – diýdi* (A. Gowşudow).

**HENEKLEÝIŞ**, *iş ady.* Heneklemek ýagdaýy.

**HENEKLÄBERMEK** [heneklä:vermek], *işl.* Gözüň öňi gutarlabermek, gamaşybermek.

**HENIZ** [heni:z], *hal.* Şu wagta çenli, häzire çenli; entek, şindi. *Heniz görmedik jaýlary oňa örän geň bolup görünýärdi* (A. Durdyýew).

**HENIZ-HENIZLER** [heni:z-heni:zler], *hal, ser.* **Heniz**.

**HEŇ I**, *at*, *sazç*. **1**. Belli bir saz owazyny emele getirýän, sazlaşykly çykýan bir ýa-da köp sesli owaz. *Umuman, onuň aýdýan aýdymlary öňki gulaga tanyş heňler däldi* (G. Ezizow). **2**. Edähet, öwrenilen gylyk. *Öňki heňine başlamak.*

◊ **Heňe gelmek** esasly, delilli, sebäpli bolmak, ugrunda bir zat bar bolmak, tasa gelmek. **Heňe gelmezlik** esassyz, sebäpsiz, delilsiz bolmaklyk.

**HEŇ II**, *at.* Zaýalanmak, çüýremek, könelmek zerarly emele gelýän,kerep.

**HEŇDEŞ**, *syp.* Heňleri meňzeş.

**HEŇDEŞLIK**, *at.* Heňleri meňzeşlik.

**HEŇKIRIŞ**, *iş ady.* Heňkirmek ýagdaýy.

**HEŇKIRIŞMEK**, *işl.* Birnäçe bolup heňkirmek, heňkirişip başlamak.

**HEŇKIRME**, *iş ady.* Heňkirmek ýagdaýy.

**HEŇKIRMEK**, *işl.* Biriniň üstüne gaharly gygyrmak, birine haýbat bilen käýemek.

**HEŇKIRMEKLIK**, *iş ady.* Heňkirmek ýagdaýy.

**HEŇKIRTMEK**, *işl.* Birine heňkirmäge ýol bermek, mümkinçilik bermek, biriniň üstüne gaharly gygyrtmak. *Ony öz üstüme heňkirdip durmaryn*.

**HEŇLEME**, *iş ady.* Heňlemek ýagdaýy.

**HEŇLEMEK**, *işl.* Bir zatda heň emele gelmek. *Pitidäki gowurma heňläpdir. Çörek saçakda köp dursa heňleýär*.

**HEŇLEMEKLIK**, *iş ady.* Heňlemek ýagdaýy.

**HEŇLEMEZEK**, *syp.* Heň emele gelmezek. *Düýeýüň saçaga dolanan çörek heňlemezek bolýar*.

**HEŇLEMEZLIK**, *iş ady.* Bir zatda heň emele gelmezlik. *Çörek heňlemändir*.

**HEŇLETDIRMEK**, *işl.* Heňlemek katdyna ýetirtmek.

**HEŇLETMEK**, *işl.* Heňlär ýaly etmek, heňlemegine ýol bermek. *Ammarlardaky gallany howa çaldyrman, heňledäýmeli däl.*

**HEŇLEÝIŞ**, *iş ady.* Heňlemek ýagdaýy.

**HEŇLÄBERMEK** [heňlä:vermek], *işl.* Heň baglap başlamak, heňläp ugramak.

**HEŇŇAM** [heňňa:m], *at.* **1**. Ýaşaýyş, durmuş. **2**. *göç. m.* Heň (*ser*. **Heň II, 2**), gylyk. *Bu ýaşuly ýene öňki heňňamyna başlady* (A. Gowşudow).

**HEŇŇIZ** [heňňi:z], *at.* Meýil, hyjuw, joşgun, äheň. *Telim günden bäri ýagmagy heňňiz edip, gamaşyp duran çytawunly howa hem günorta galman açyldy* (B. Gurbanow).

**HEP**, *at, gepl. d.* Neşe.

◊ **Hepi ýetmezlik** neşesi ýetmezlik. **Hepi ýetmedik ýaly** keýpsiz, sus.

**HEPBE**, *at.* Takmynan, 500 gram möçberindäki agyrlyk ölçegi.

**HEPBELI**, *syp.* **1**. Oňly, idili, kemally, akylly-başly. *Sölperip ýörmegiňi taşla, dogumlan, hepbeli bol!* **2**. Ugurly, derekli. *Ýanymyza hepbeli zat almandyrys.*

**HEPBESIZ**, *syp.* Iş başarmaýan, kemalsyz, bihepbe, bolgusyz.

**HEPBIK**, *at.* Guş tutmak üçin malyň gapyrgasyndan, agaçdan ýasalýan emeli duzak. *Olar hepbik ýasamak üçin ýerlerinden galanlarynda, Japbak olaryň öňünde bir şert goýdy* (B. Kerbabaýew).

◊ **Hepbige dönmek** horlanmak, garny çekilmek, igläp galmak. **Hepbik ýaly bolmak** *ser.* **Hepbige dönmek** *Ol yzyna gaçmaklygy özüne horluk bilen bolara çemeli: eýýäm garny çekilip, hepbik ýaly bolupdyr* (N. Saryhanow).

**HEPDE**, *at.* Duşenbe bilen ýekşenbe aralygyndaky ýedi güne deň bolan wagt birligi.

**HEPDELEÝIN**, *hal.* Bütin hepde dowamynda bolýan, hepdeläp. *Ol obalaryna gidende hepdeleýin gidýärdi.*

**HEPDELIK**, *at.* **1**. Bir hepde, ýedi gün aralagynda dowam edýän wagt. *Mundan ozal hepdelik, on günlük ileri ýanyndan sowlup geçýärdim* ("Görogly"). **2**. Bir waka bagyşlanyp, jemgyýetçilik çäreler geçirilýän ýedi günlük wagt aralygy. *Daşary ýurt kinofilmleriniň hepdeligi.* **3**. Her hepdede bir gezek çykýan, her hepdede neşir edilýän. *Hepdelik gazet.*

**HEPDELÄP** [hepdelä:p], *hal.* Hepdäniň dowamynda. *Batyr bir hepdeläp ýassykdan galman ýatdy* (B. Kerbabaýew).

**HEPDEME-HEPDE**, *hal.* Her hepdede.

**HER**, *çal*. Islendik biri, islendik bir zat, islendik wagt. *Her gün. Her agşam. Her adam.*

◊ **Her bir** (adam, zat we ş.m.) adamlaryň, zatlaryň we ş.m. haýsy hem bolsa biri, islendik biri. *Her bir adam özüniň durmuşda eýelemeli ornuny tapmalydyr*. **Her dişinde bir gülki** çendenaşa gülegen adam häsiýetlendirilende aýdylýan aňlatma. – *Ol gelniň her dişinde bir gülki, nämä böwregi bökýärkä?* **Her edip**, **hesip edip** dürli tär bilen, ähli tagalla bilen baglanyşykly. **Her gapyda biri** her ýerde biri; örän selçeň. *Ýere atan çigitleriňem-ä her gapyda biri gögeripdir*. **Her hili (tüýsli**, **jüre)** dürli-dürli, üýtgeşik-üýtgeşik. **Her kim bir kelle bolmak** baş-başdaklyk etmek, agzybir bolmazlyk. **Her ýeten gazyga büdremezlik** özüňe mynasyby, öz deňiňi gözlemek, çem gelen bilen iş salyşmazlyk. *Onuň gündizler karary ýetmedi, gijeler ukusy tutmady, her ýeten gazyga büdremegi özüne uslyp bilmedi* (B. Kerbabaýew).

**HERAN-HAÇAN** [hera:n-haça:n], *hal.* Irde-giçde, haçan-da bolsa, haýsy hem bolsa bir wagt.

**HERBAP** [herva:p], *syp.* Her hili gerekli, peýdaly işleri edip bilýän, başarýan. – *Men herbapdyryn, hemme*

*işi başarýandyryn – diýip, Gutlymyrat hem ýan bermedi* (A. Gowşudow).

**HERDAÝÝM** [herda:ýym], *hal.* Käte-käte, çendan, kämahal, käwagt. *Gözden salmaň bizi-de, Herdaýym gelip duruň!* (A. Atajanow).

**HERDEMHYÝAL** [herdemhyýa:l], *syp.* Köp hyýal edýän, belli bir pikire eýermeýän, her hili pikirlere, hyýallara baş urýan; hyýaly üýtgäp duran. *Eý Banu, bu oglan iki ýüzli, herdemhyýal eken* ("Saýatly – Hemra"). *Herdemhyýal däldi biziň gahryman* (A. Kekilow).

**HEREK** *at*. **1**. Tärimiň iki ýokarky ujunyň birleşip, toýnuk emele getirýän ýeri. *Balany çala ildirip, uklary sallap goýma-da, tärimiň heregine oňatja mündür ahyry* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *gepl. d.* Tigirli sapak.

**HEREKET**, *at.* **1**. *filos.* Maddy dünýäniň ýaşaýşynyň formasy, maddy dünýäniň ösüşiniň üznüksiz prosesi. **2**. Daşky güýjüň täsiri bilen ýüze çykýan gymyldy. *Işi herekete getirýän güýç, eliň ujunda däl-de, ýüregiň özeninde* (B. Kerbabaýew). **3**. Belli bir ugur, tarap boýunça ýöneliş, öňe süýşme. *Goşunyň öňe ýa yza hereketi.* **4**. Mukdar we hil taýdan üýtgeýiş, ösüş; ösüşiň bir ýagdaýdan başga bir ýagdaýa geçiş häsiýeti. *Herekete – bereket* (Nakyl). **5**. Köpsanly adamlaryň umumy sosial-durmuş häsiýetli maksadyna ýetmek üçin işjeň amala aşyrýan işi. *Jemgyýetçilik hereket.*

◊ **Hereket etmek** hereketlenmek.

**HEREKETLENDIRIJI** [hereketlenniriji], *syp., at.* **1**. *syp*. Herekete getirýän, herekete getiriji. *Jemgyýetiň hereketlendiriji güýçleri*. **2**. *at*. Haýsydyr bir güýji mehaniki herekete öwürýän mehanizm.

**HEREKETLENDIRMEK** [hereketlennirmek], *işl.* Bir zady herekete getirmek, gymyldatmak. *Ol ellerini hereketlendirdi.*

**HEREKETLENIBERMEK** [hereketlenivermek], *işl.* Hereket edip başlamak.

**HEREKETLENIŞ**, *iş ady.* Hereketlenmek ýagdaýy.

**HEREKETLENME**, *iş ady.* Hereketlenmek ýagdaýy.

**HEREKETLENMEK**, *işl.* **1**. Herekete gelmek, hereket etmek, gymyldamak. **2**. Bir zadyň ugrunda aýaga galmak, janlanmak, bir zadyň aladasynda bolmak. *Toý barasynda häzirden hereketlenmeseň, soňra kyn düşer.*

**HEREKETLENMEKLIK**, *iş ady.* Hereketlenmek ýagdaýy.

**HEREKETLENMEZLIK**, *iş ady*. Hereket etmezlik.

**HEREKETLI**, *syp.* **1**. Hereket edip duran, aýlanyp duran. **2**. Çakgan, dogumly, hyjuwly.

**HEREKETLILIK**, *at.* Hereketde bolmaklyk, hereketi barlyk, hereketsiz dällik.

**HEREKETSIZ** [herekessiz], *syp.* Gymyldaman, hereket etmän duran, asuda ýagdaýda bolan.

**HEREKETSIZLIK** [herekessizlik], *at.* Gymyldysyz ýagdaýda bolmaklyk, asuda ýagdaýda bolmaklyk, hereketi ýokluk. *Hereketsizlik ýagdaýynda bolmak*.

**HERGÄH** [herğä:h], *hal, k. d.* Her wagt, her haçan. *Hergäh Garybyň şahy sen* ("Leýli – Mejnun").

**HERGIZ** [herği:z], *hal.* Hemişe, islendik ýagdaýda, islendik wagtda, her haçan. *Hergiz ýalan sözlemäň. Meniň sargydym hergiz ýadyňda bolsun.*

**HERGIZ-HERGIZ** [herği:z-herği:z], *hal*. Hiç haçan, hiç wagt. *Pylan oba hergiz-hergiz baraýmagyn diýip, Permana aýratyn tabşyrdy* (A. Gowşudow).

**HERHAL** [herha:l], Her niçik-de bolsa. *Herhal, beren sözünde tapyldy.*

**HERKI**, *çal*. Özünden soňky gelen sözi "her, her bir" sözleriniň manysynda aýyklap gelýän söz. *Onuň ol taýda geregi ýok, herki zadyň öz ýeri bar* (N. Saryhanow).

**HERNE**, *çal.* Özünden soňky gelýän sözi "nähili, her hili, her tüýsli" sözüň manysynda aýyklap gelýän söz. *Magtymguly, syn gerekdir gözele, Herne kysmat bolsa, tartar ezele* (Magtymguly).

**HERNÄ** [hernä:], "Her näme bolsa-da" diýen manyda ulanylýan söz. *Hernä, güýçli syrgyn başlamanka öýe geldim. Hernä, otludan gijä galmadym. Gije howa gaty sowap, ekinleri sowuk urarmykan öýtdüm welin, hernä, beýle sowuk bolmady.*

**HERRELIBERMEK** [herrelivermek], *işl.* Herrelip ugramak.

**HERRELIŞ**, *iş ady.* Herrelmek ýagdaýy.

**HERRELIŞMEK**, *işl.* Birnäçe bolup herrelmek. *Herrelişip durmaň-da, işiňiz bilen boluň!*

**HERRELME**, *iş ady.* Herrelmek ýagdaýy.

**HERRELMEK**, *işl.* Biriniň üstüne gaharly gygyrmak, azm urmak, haýbat atmak.

**HERRELMEKLIK**, *iş ady.* Herrelmek ýagdaýy.

**HERRELTMEK**, *işl.* Herrelmäge mümkinçilik bermek, biriniň üstüne haýbat atdyrmak. *Men ony öz üstüme herreldip durup bilmerin.*

**HERREMSEK**, *syp.* Bolgusyz zada gahary gelip, gygyrmagy, herrelmegi gowy görýän, haýbat atýan. *Dodagy ýalama oglanyň herremsekligine ol ýaňy-ýaňy düşünýärdi* (B. Kerbabaýew).

**HERREMSEKLIK**, *at.* Tiz gahary gelijilik, gaharjaňlyk. *Herremsiklik etseň gönenmersiň!*

**HERSI**, *çal*. Her biri, her haýsy.

**HESEL**, *at.* **1**. Bal, asal. *Heselmi sen, ýa gantmy sen, balmy sen? Şirinmi sen, şekermi sen, näme sen?*(Mollanepes). **2**. Gyza dakylýan at.

**HESER**, *at.* Ýesir ediji duýgy. *Emma söýgi heseri başyna düşen Hangeldiniň häzir ne yssy ýadyna düşýärdi, ne sowuk* (G. Gurbansähedow).

**HESERDEŞ**, *syp.* Duýgudaşlyk edýän, pikirdeş, duýgudaş, dertdeş. *Gadryň seniň kemdir, halyň bilinmez, Heserdeşiň, deňiň-duşuň bolmasa* (Aşyky).

**HESERLENIŞ**, *iş ady.* Heserlenmek ýagdaýy.

**HESERLENIŞMEK**, *işl.* Birnäçe bolup heserlenmek.

**HESERLENME**, *iş ady.* Heserlenmek ýagdaýy.

**HESERLENMEK**, *işl.* Dogumlanmak, hyjuwlanmak. *Ogulgerek şunuň ýaly pikirlere gidip oturan ýerinde, birdenkä tisginip, özüne geldi we heserlendi* (N. Saryhanow).

**HESERLENMEKLIK**, *iş ady.* Heserlenmek ýagdaýy.

**HESIP** [hesi:p], *at, ser.* **Hasap**. *Magtymguly, bardyr demiň hesibi, Ir, giç ýeter her bendäniň nesibi* (Magtymguly). *Bilmedim, nämäniň hesibi boldy, Eneň bir sawçynyň ýesiri boldy* (K. Gurbannepesow).

**HESRET** [hesiret], *at, ser.* **Hasrat**.

**HESRETLI** [hesiretli], *syp., ser.* **Hasratly**.

**HEŞDEK I**, *at.* **1**. Iki örküçli düýe, bugra. **2**. Oglana dakylýan at.

**HEŞDEK II**, *at.* Gowrulan bekre eti salnyp goýulýan uly gap.

**HEŞELLE: heşelle kakmak** çendenaşa şatlanyp, begenip, eliňi çarpyp bökjeklemek.

**HEŞERILIBERMEK** [heşerlivermek], *işl.* Heşerilip başlamak.

**HEŞERILIŞ** [heşerliş], *iş ady.* Heşerilmek ýagdaýy.

**HEŞERILME**, *iş ady.* Heşerilmek ýagdaýy.

**HEŞERILMEK**, *işl.* Täsin galyjylyk bilen çiňerilmek, dikgerilip seretmek, üşerilmek. *Heşerilip durmak.*

**HEŞERILMEKLIK**, *iş ady.* Heşerilmek ýagdaýy.

**HEŞERLENIŞ**, *iş ady.* Heşerlenmek ýagdaýy.

**HEŞERLENIŞMEK**, *işl.* Birnäçe bolup heşerlenmek. *Töwerekde heşerlenişip duran gamyşdan, ýokarda çaňjarýan çalymtyk asmandan başga zat ýokdy* (B. Kerbabaýew).

**HEŞERLENME**, *iş ady.* Heşerlenmek ýagdaýy.

**HEŞERLENMEK**, *işl.* **1**. Somalyp, mese-mälim bolup çykyşyp, görnüp durmak, sömelişip görünmek. *Günbatara bakan ýaýrap giden gür diňler sugun sürüsiniň şahy ýaly heşerlenýärdi* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç. m.* Täsin, geň galyjylyk bilen çiňerilip durmak.

**HEŞERLENMEKLIK**, *iş ady.* Heşerilmek ýagdaýy.

**HET(D)** [het], *at.* Çen, çak; ýagdaý, hal, dereje. *Şu mähriban sözleriň meni çagalyk hetdine eltdi* (B. Kerbabaýew).

◊ **Hetden aşmak** çenden aşmak, adaty bolmaly ýagdaýdan öte geçmek, çakyňy, çeniňi, hetdiňi bilmezlik. **Hetdiňi tanamak (bilmek)** öz çeniňe-çakyňa, ýagdaýyňa akyl ýetirip bilmek, etjek işiňde öz çägiňi kesgitläp bilmek. **Het etmek** başarmasy kyn işe baş goşmak, synanmak, milt etmek. *Güljahan het edip bilermikä?* (B. Pürliýew).

**HETDENAŞA** [hetdena:şa], *hal.* Çendenaşa, öte, juda. *Şonuň üçin hem biz ol ýigidiň sag-aman gutulanyna hetdenaşa begenýärdik* (A. Gowşudow).

**HETDI-HASABY** [hetdi-hasa:vy]: **hetdi-hasaby ýok** san taýdan örän köp, çensiz köp.

**HETSIZ** [hessiz], *syp.* Çensiz-çaksyz, çäksiz, örän, juda köp. *Men hetsiz bagtly adam.*

**HETSIZ-HASAPSYZ** [hessiz-hasa:psyz], *syp.* Çeni-çaky ýok, örän köp, ummasyz, san ýetmez.

**HEÝ**, Biriniň edýän hereketine, bolşuna geň galmagy, haýran bolmagy aňladýan söz. *Şu ýagdaýda ile kömegiň ýetjegine gözüň ýetip durka, heý adam öýde oturarmy!* (B. Seýtäkow).

**HEÝ** [he:ý], Köplenç, birine ýüzlenilende ulanylýan gödek öwüşginli ümlük. *– Heý, sen gyrnak! – diýip, gözjagazyny alardardy* (B. Kerbabaýew).

**HEÝGENEK** [heýğenek], *at.* Ýumurtgany una garyp, gyzan ýaga guýup, taýýarlanylýan nahar, iýmit. *Heýgenek bişirmek.*

**HEÝHAT** [heýha:t], *üml.* Dady-peryat.

◊ **Heýhat güni** pajygaly, gowgaly gün.

**HEÝJAN** [heýja:n]: **heýjana getirmek (salmak)** howsala düşürmek, galagoply ýagdaýa sezewar etmek. **Heýjana gelmek** howsala düşmek, galagoply ýagdaýa uçramak.

**HEÝJANELEK** [heýja:nelek], *üml.* Uly begenji, şatlygy aňladýan ümlük. *Heýjanelek, heýjanelek! Daýym kyrkgünlük getiripdir!* (G. Gurbansähedow).

**HEÝJANELEK-JANELEK** [heýja:nelek-ja:nelek], *ser.* **Heýjanelek**. *Ýagyş ýagara geldi, Saman suwara geldi, Heýjanelek-janelek, Gyzlar oýnara geldi* (Halk döredijiliginden).

**HEÝKEL I**, *at.* Şekillendiriş sungatynyň guýma, ýelmeme, ýasama ýoly bilen göwrümli şekiller döredilýän görnüşi, şonuň ýaly-da şeýle görnüşli sungat eseri. *Magtymgulynyň heýkeli.*

**HEÝKEL II**, *at, zergärç.* Gartaşan aýallaryň eginlerinden aşyryp, ýanyn dakynýan, içi doga ýazylan kitapçaly gaýyşdan ýa-da gaýşyň ýüzüne berkidilen kümüş gapjyk. *Ol keýwanylaryň ikisiniň hem çep gapdalynda gaýyş heýkelleri bardy* (A. Gowşudow).

**HEÝKELÇI**, *at, ser.* **Heýkeltaraş**.

**HEÝKELLEÝIN: heýkelleýin asmak (dakmak, ildirmek)** tüpeň, dutar, torba we ş.m. bagly enjamy

egniňden aşyryp, ýanyn dakynmak, asmak. *Elbent bagşy şanyň hatyny goltugyna gysyp, dutaryny heýkelleýin asyp, ýolga rowana boldy* ("Nejep oglan"). *Teletinden ýörite tikilen suw gabyny – mytarasyny egninden heýkelleýin asypdyr* (A. Gowşudow).

**HEÝKELTARAŞ**, *at.* Heýkel eserlerini döredýän, heýkel ýasaýan çeper ussa.

**HEÝWERE** [heýwere] **I**, *gepl. d.* Juda, örän, gaty, çakdanaşa. *Ýa-da bu günki tozan muny heýwere ýadatdymyka?* (B. Kerbabaýew).

**HEÝWERE** [heýwere] **II**, *at, lukmanç.* Baş, ýara dömüp emele gelýän erbet ýokanç kesel.

**HEÝWIÝ**, *üml.* Geň galmagy aňladýan ümlük: ol gelin-gyzlar tarapyndan aýdylýar. *Heýwi, bu Saparmy?!* (A. Gowşudow).

**HEZAR** [heza:r], *san, k. d.* Müň. *Hezar mukamly bilbil* (Magtymguly).

**HEZIL**, *hal.* Keýpi-sapa, lezzet, maza.

◊ **Hezil bermezlik** gönendirmek, kanagatlandyrmak. *Onuň okap hezil bermejegini öňem çalarak aňýardym.* **Hezil etmek 1)** göwün açmak, lezzet almak. **2)** oýun etmek, oýunlyga salmak, degişmek. – *Aý Sapa, hezil etmesene, men öňki öten jebir-jepaly günlerimi şu wagt ýadyma salasym gelenok* (A. Gowşudow). **Hezilini almak 1)** biriniň mazasyny, keýpini gaçyrmak. – *Dagy-duwara biziň gapymyza köw salaýsaň, heziliňi alaryn! – diýip, onuň yzyndan hemle urdy* (A. Gowşudow). **2)** bir işi gutaryp barmak, tamamlap barmak, azaltmak. **Hezilini gaçyrmak** *ser.* **Hezilini almak** *Merediň bu jogaby Bäşimiň hezilini gaçyrdy* (J. Akyýew). **Heziliň bolmazlyk** keýpiň gaçmak, mazaň bolmazlyk; sussuň peselmek.

**HEZILLIK**, *at.* Ruhuňy göteriji ýagdaý, keýpi-sapalyk. *Tagsyr, onuň ýaly hezillik bolsa, bu posly dünýäde näme işiň bar* (Keminäniň adyna aýdylýan şorta sözlerden).

**HEZRET** [heziret], *at.* **1**. Jenap, aga. *Görüp geldiňizmi ol han hezreti?* (Seýdi). **2**. Oglana dakylýan at.

**HEZZET**, *at.* Biriniň hatyrasyna edilýän sylag-hormat, söwüş. – *Olar saňa hezzet ederler, soňam ýola salyp goýbererler – diýdi* (A. Gowşudow).

**HEZZET-HORMAT** [hezzet-hormot], *at, ser.* **Hezzet**. *Soltanlara laýyk hezzet-hormat ederlik gurbumyz ýokdur* ("Myraly").

**HEZZETLEME**, *iş ady.* Hezzetlemek ýagdaýy.

**HEZZETLEMEK**, *işl.* Hezzet etmek, hezzet-hormat edip hyzmat etmek.

**HEZZETLEMEKLIK**, *iş ady.* Hezzetlemek ýagdaýy.

**HEZZETLENMEK**, *işl.* Hezzet edilmek, hormat goýulmak, hezzet-hormat bilen myhman alynmak. *Öý eýesi tarapyndan hezzetlenen myhmanlar hoşal boldular.*

**HEZZETLEÝIŞ**, *iş ady.* Hezzetlemek ýagdaýy.

**HEZZETLI**, *syp.* Hezzet-hormata mynasyp bolan, hormatly, sylagly. *Men muny hezzetli myhmanlar üçin sakladym.*

**HEZZETSIZ** [hezzessiz], *syp.* Hezzet-hormata mynasyp bolmadyk, hormatsyz, sylagsyz. *Hezzetsiz gaýtarylan myhman.*

**HÄ** [hä:], **1**. Aýdylan söze düşünilmedik ýagdaýynda anyklamak üçin "näme?" diýen manyda ulanylýan ümlük. – *Ata, ertir işe gidýäňmi? – Hä?* **2**. Güýçlendiriji ownuk bölek. *Sözlemäge-hä meniň duran ýerimdir.*

◊ **Häsini ýetirmek** gürrüňdeşiň gürrüňini diňläp, ýygy-ýygydan "hä" diýip goldamak, makullamak.

**HÄ-Ä** [hä:-ä:], "Hawa" manysynda ulanylyp, razylygy, tassyklamagy aňladýan ümlük.

**HÄH**, *üml.* Hiç zatdan bihabar ýagdaýda adyň tutulanda we ş.m. halatda allaniçigsi bolup, "näme?" diýen manyda ulanylýar.

◊ **Häh diýseň mäh bolaýýar** çalt, tiz, derrew, şobada, leppeý aga, "häh" diýmänkä, gygyrmaga ýetişmänkä, etjegiňi etmek, bir işi göz açyp-ýumasy salymda ýerine ýetirmek. *Oňa ýumuş buýursaň, häh diýseň mäh bolaýýar.*

**HÄKI** [hä:ki], *syp., gepl. d., ser.* **Hälki**.

**HÄKIM** [hä:kim], *at.* **1**. Şäheriň, welaýatyň, etrabyň ýerine ýetiriji baştutany, häkimligiň ýolbaşçysy. **2**. *taryh.* Geçmişde ýurt, welaýat eýesi, ýurdy, döwleti dolandyrýan adam, hökümdar.

**HÄKIMIÝET** [hä:kimiýet], *at.* Syýasy agalyk, döwletiň dolandyrylyşy we dolandyryjy edaralar.

**HÄKIMIÝETÇILIK** [hä:kimýetçilik], *at.* Häkimiýete ýakyn durmaklyk, häkimiýete gol ýapmaklyk.

**HÄKIMIÝETLI** [hä:kimiýetli], *syp.* Häkimiýeti bolan.

**HÄKIMIÝETLILIK** [hä:kimiýetlilik], *at.* Häkimiýetli bolmaklyk, häkimiýeti barlyk.

**HÄKIMIÝETSIZ** [hä:kimiýessiz], *syp.* Häkimiýeti ýok, häkimiýetli däl.

**HÄKIMIÝETSIZLIK** [hä:kimiýessizlik], *syp.* Häkimiýeti ýokluk, häkimiýetli dällik.

**HÄKIMLIK** [hä:kimlik], *at.* Welaýatyň, şäheriň, etrabyň dolandyryjy edarasy.

**HÄLI** [hä:li], *hal.* **1**. Mundan ep-esli wagt öň, öňräk. *Daşarda ýanwar aýynyň aýazly agşamy bolsa häli düşüpdi* (N.Saryhanow). *Biz häli geldik.* **2**. *gepl.d.* Heniz, şindi, entek. *Häli sen ýaş bolýarsyň.*

◊ **Hälä galma**! Uzaklaşdyrma, uzaga çekme. *Beýdip haýbat atyp durma, eliňden näme gelýän bolsa et-de dyn, hälä galma.*

**HÄLI-HÄZIR** [hä:li-hä:zir], *hal.* Şu wagt, häzir. *Häli-häzire çenli ondan habar ýok.*

**HÄLIMI-ŞINDISI** [ha:limi-şinnisi]: **hälimi-şindisi ýok** yzyny üzmän, birsyhly, yzly-yzyna, gaýta-gaýta.*Onuň hälimi-şindisi ýokdur, bir zady bahanalap geler durar.*

**HÄLI-ŞINDI** [hä:li-şinni], *hal.* Yzyny üzmän, birsyhly, yzly-yzyna, gaýta-gaýta, tiz-tizden, çalt-çaltdan.

**HÄLKI** [hä:lki], *syp.* Şundan birnäçe wagt öňräkki. *Hälki aýdym aýdan kim? Seniň hälki salamlaşyp duranyň kimdi?*

**HÄNDEK** [hännek], *at.* Laýdan haýat galdyrylanda oýulyp galýan çuň çukur, laý alnan ýer, hendek. *Böke-böke händekden, ýadadym-la ýandakdan* (K. Taňrygulyýew). *Maýdalaryny hapyr-supurlar bilen garyp händege döküärdiler* (N. Pomma). *Şu gelüwine galanyň teýinde händekde kerepläp ýatan gök suw bar eken* ("Görogly"). *Galanyň öňünde laý alnan çuň händek bar* (A. Gowşudow).

**HÄSIÝET** [hä:sýet], *at.* **1**. Adamyň özüni alyp barşynda, hereketinde äşgär bolýan esasy, has durnukly alamatlarynyň jemi. **2**. Gyza dakylýan at.

**HÄSIÝETDEŞ** [hä:sýetdeş], *syp.* Hüý-häsiýeti meňzeş. *Seniň bilen häsiýetdeş, pikirdeş bolmasa, ol dogan bolanda ne peýda?!* (A. Gowşudow).

**HÄSIÝETLENDIRILMEK** [hä:sýetlennirilmek], *işl.* Gylyk-häsiýeti, bolşy, görnüşi beýan edilmek, suratlandyrylmak.

**HÄSIÝETLENDIRME** [hä:sýetlennirme], *iş ady.* Häsiýetlendirmek ýagdaýy.

**HÄSIÝETLENDIRMEK** [hä:sýetlennirmek], *işl.* Gylyk-häsiýetini, bolşuny, görnüşini beýan etmek, suratlandyrmak.

**HÄSIÝETLI** [hä:sýetli], *syp.* Oňat gylyk-häsiýeti bolan, edep-tertipli. *Ine, ol şeýle häsiýetli bir ýigitdi* (A. Durdyýew).

**HÄSIÝETNAMA** [hä:sýetna:ma], *at.* Biriniň zähmet we jemgyýetçilik işi hakynda beýan edilen resminama.

**HÄSIÝETSIZ** [hä:sýessiz], *syp.* Gylyk-häsiýeti gowy bolmadyk, ýaramaz häsiýetili. *Häsiýetsiz mal.*

**HÄZIR** [hä:zir], *hal.* **1**. Şu wagt, şu wagtyň özünde. **2**. Mundan biraz öň, ýaňy. *Häzir ýygnakda hemmesini aýtmadylarmy näme?!* (B. Gurbanow).

◊ **Häzir bolmak1)** ätiýaçly, seresap bolmak, hüşgär bolmak. **2)** taýýar bolmak, ýetişmek, bişmek. *Nahar häzir boldy, orta bir tabak palaw geldi* (A. Gowşudow). **3)** ýüze çykmak, garaşylmadyk ýerden peýda bolmak, gelmek. *Birden gökden düşen ýaly bolup, bularyň goşunda üç atly, bir pyýada, dört sany ýaragly adam häzir boldy* (A. Gowşudow).

**HÄZIRKI** [hä:zirki], *syp.* **1**. Şu wagtky, şu wagtyň özündäki, häzir ýüze çykyp, bolup duran. **2**. Hälki, ýaňky. *Häzirki aýdylan zatlar bilen boluň.*

◊ **Häzirki zaman işlik formasy** gymyldynyň, hereketiň häzirki wagta degişliligini aňladýan işlik şekili.

**HÄZIRLEME** [hä:zirleme], *iş ady.* Häzirlemek ýagdaýy.

**HÄZIRLEMEK** [hä:zirlemek], *işl.* Häzir etmek, taýyn etmek, taýýarlamak, taýýarlap goýmak. *Näzik gap-gajy häzirleýär, hamyr ýuguryar* (A. Gowşudow).

**HÄZIRLEMEKLIK** [hä:zirlemeklik], *iş ady.* Häzirlemek ýagdaýy.

**HÄZIRLENMEK** [hä:zirlenmek], *işl.* Häzir bolmak, taýyn bolmak; häzir edilmek. *Elguş ýokaryk galyp, hüjüme täzeden häzirlendi.*

**HÄZIRLEŞMEK** [hä:zirleşmek], *işl.* Häzirlemäge kömek etmek. *Mallaryna agşam oty häzirleşýär* (A. Gowşudow).

**HÄZIRLETDIRMEK** [hä:zirletdirmek], *işl.* Birine bir zady häzir etdirtmek, taýýarlatdyrmak.

**HÄZIRLETMEK** [hä:zirletmek], *işl.* Birine häzir etdirmek, taýýarlatmak. *Nahar häzirletmek. Ýol şaýyňy häzirletmek.*

**HÄZIRLEÝJI** [hä:zirleýji], *at.* Bir zady häzirleýän, taýýarlaýan, ýerine ýetirýän adam.

**HÄZIRLEÝIŞ** [hä:zirleýiş], *iş ady.* Häzirlemek ýagdaýy.

**HÄZIRLIK** [hä:zirlik], *at.* **1**. Bir zat üçin öňünden görülýän taýýarlyk, taýynlyk. *Häzirlik görmek.* **2**. Hüşgärlik, seresaplyk.

**HÄZIRLIKÇE** [hä:zirlikçe], *hal.* **1**. Belli bir möhletleýin, wagtlaýynça, şu wagtlyk. **2**. Hoşlaşylanda ulanylýan hoşlaşyk ýüzlenmesi. *Häzirlikçe, hoş, sag bol!*

**HIÝ**, *ser.* **Heý**. *Hiý, seniň ýaly oglan barmyka?!*

**HIÇ** [hi:ç], *çal.* **1**. Yzyndan gelýän söz bilen birlikde "düýbünden, asla, asyl" diýen ýaly many aňladýar. *Ol günler hiç wagt ýatdan çykmajak günlerdi* (A. Gowşudow). **2**. Hiç bir adam. *Ondan hiç kimiň habary ýok.* **3**. Haýsydyr bir zat etmezlik. *Hiçden giç ýagşy* (Nakyl).

◊ **Hiç haçan** hiç wagt, hiç bir ýagdaýda. *Hiç haçan sapajak-supajak etmez, Görejiň içine dogry sereder şahyryň gözi* (K. Gurbannepesow).

**HI-I** [hi-i] "Ýok" diýen manyda agzyň ýumuk ýagdaýynda aýdylýan ümlük. – *Aşyr, doganyň okuwdan geldimi? – Hi-i.*

**HIJR** [hijir], *at, k. d., ser.* **Hijran**. *Meni hijr oduna ýakma bişumar, Yşkyň bilen boldum perwana, gözel* (Kemine).

**HIJRAN** [hijira:n], *at, k. d.* Aýralyk, jydalyk, aýra düşmek ýagdaýy. *Hijran çeken göwnüm, bu gün şat oldy* ("Saýatly – Hemra"). *Serwi daragt boýly peri, Seni hijran örtedi* (Magtymguly).

**HIJIRI**, *at.* Muhammet pygamberiň Mekgeden Medinä giden gijesinden, ýagny milady hasaby boýunça 622-nji ýyldan başlanýan ýyl senesiniň ady.

◊ **Hijiri-kamary** hijiri senesiniň aýyň aýlanyşyna görä ýöredilýän ýyl hasaby. **Hijiri-şemsi** hijiri senesiniň günüň aýlanyşyna görä ýöredilýän ýyl hasaby.

**HIKIRDEME**, *iş ady.* Hikirdemek ýagdaýy.

**HIKIRDEMEK**, *işl.* Hikir-hikir edip gülmek, aram ses bilen hikirdili gülmek.

**HIKIRDEMEKLIK**, *iş ady.* Hikirdemek ýagdaýy.

**HIKIRDEŞMEK**, *işl.* Birnäçe bolup hikirdemek. *Olar bir zady on esse ulaldyp hikirdeşip gülüşdiler* (G. Gurbansähedow).

**HIKIRDEÝIŞ**, *iş ady.* Hikirdemek ýagdaýy.

**HIKIRDI**, *at.* Aram ses bilen gülnende döreýän, eşidilýän ses we şol sesiň ady. *Öten agşam uzak wagtlap hikirdiňiz ýatmady.*

**HIKIRDILI**, *syp.* Hikir-hikir edip gülünýän, gülküli.

**HIKIRDÄBERMEK** [hikirdä:vermek], *işl.* Hikir--hikir edip gülüp başlamak.

**HIKIR-HIKIR**, *at.* Çalarak gülünýärkä çykýan sesler, kikir-kikir.

**HIKMET**, *at, k. d.* **1**. Parasatly söz, akyllylyk; filosofiýa. *Kätibi köňlünde bir hikmet çaglar* (Kätibi). **2**. Çuň manyly, akyl-parasada ýugrulan aýry-aýry şygyr bentleri. *Hoja Ahmet Ýasawynyň hikmetleri.* **3**. *gör. m.* Many. *Munuň hikmetleri nämedir?*

**HIL** [hi:l], *at.* Bir zadyň taýýarlanyş, öndüriliş, ýasalyş, aýratynlyk derejesi. *Önümiň hili ýokary.*

◊ **Hil bir** aňrybaş, barypýatan (ulanyşda ol söz düzüminiň yzyndan, köplenç, *adam, zat, iş* ýaly sözler gelýär we aňlatma kinaýa bilen aýdylýar). *Hil bir iş bitiren ýaly bolup, petekesini gaýşartdy* (R. Gelenow). *Ol özüni hil bir adamdyryn öýdýär*.

**HILE** [hi:le] **I**, *at.* Durmuş, iş bilen baglanyşykly gurulýan mekirlik, emel, ýeserlik. *Göni Göroglynyň gözüne seredip, hile hem dabara gatyşykly äheňde gepleýär* (G. Ezizow).

◊ **Hile gurmak (salmak)** mekirlik bilen emel etmek, duzaga düşürjek bolmak, aldamak.

**HILE** [hi:le] **II**, *at.* Gatnaşyk, goşant, paý, dahyllylyk. *Meniň bu suwda hiläm ýok* (B. Kerbabaýew).

**HILEBAZ** [hi:leva:z], *syp., ser.* **Hilegär**.

**HILEBAZLYK** [hi:leva:zlyk], *at,ser.* **Hilegärlik**. *Hilebazlyk bilen ýer astyndan iş görmeli diýsene?!* (A. Gowşudow). *Hilebazlyga ýüz urmak.*

**HILEÇIL** [hi:leçil], *syp.* Hile, mekirlik edýän, hile gurýan.

**HILEÇILIK** [hi:leçilik], *at, ser.* **Hilegärlik**.

**HILEÇILLIK** [hi:leçillik], *at.* Hile, mekirlik edijilik, hile gurujylyk.

**HILEGÄR** [hi:leğä:r], *syp., at.* Mekirlik edýän, hile gurýan, hilebaz. *Hilegärler girse goýun dersine, Gurt bolup topulgyn olaň sürsüne* (B. Kerbabaýew). *Hilegär adam.*

**HILEGÄRÇILIK**[hi:leğä:rçilik], *at, ser.* **Hilegärlik**.

**HILEGÄRLIK** [hi:leğä:rlik], *at.* Hilegäre has bolan gylyk-häsiýet, mekirlik.

**HILELI** [hi:leli] **I**, *syp.* **1**. Hile bilen edilýän, mekirlik bilen ýerine ýetirilýän. **2**. *göç.m.* Jadyly, syrly, mekir. *Jon hileli gözlerini hyzmatça dikip: – Şähere ýetmezimiziň öň ýanynda hem gapjygym jübimdedi – diýdi* (G. Kulyýew).

**HILELI** [hi:leli] **II**, *syp., gepl.d.* Bir kesele ýolugan, keselli, dertli. *Ol hileli adamdy*.

**HILELI** [hi:leli] **III**, *syp.* Birine dahylly. *Geldi aga şu ýaşyna çenli kişi hileli zada el urman gelen bir adamdyr* (A. Durdyýew).

**HILELILIK** [hi:lelilik] **I**, *at.* Hilesi barlyk, mekirlik.

**HILELILIK** [hi:lelilik] **II**, *at, gepl. d.* Hileli bolmaklyk, kesellilik, ýarawsyzlyk, bir derde duçar bolan halda bolmaklyk.

**HILESIZ** [hi:lesiz] **I**, *syp.* Hile bilen edilmedik, hilesi ýok, mekir däl. *Ol hilesiz açyk ýürekli adamdy.*

**HILESIZ** [hi:lesiz] **II**, *syp.* Hiç hili kesel ýolukmadyk, keselsiz, sagdyn. *Hilesiz adamyň bedeni sagdyn hem berk bolýar.*

**HILESIZ** [hi:lesiz] **III**, *syp.* Birine dahylsyz.

**HILESIZLIK** [hi:lesizlik] **I**, *at.* Hiç hili hile gurulmadyk.

**HILESIZLIK** [hi:lesizlik] **II**, *at.* Syrkaw dällik, sagatlyk.

**HIL-HIL** [hi:l-hi:l], *syp.* Dürli-dürli, her tüýsli, her hili, dürli görnüşli. *Hil-hil matalar.*

**HILI** [hi:li], *köm. s.* Zeýilli, ýaly. *Şu hili işi bitiren adamlara berekella diýmeli.*

**HILLI** [hi:lli], *syp.* Oňat ýa-da ýokary, ýa-da pes hili bolan, hil taýdan ýokary ýa-da pes derejede bolan. *Indi ençeme wagtdan bäri bu kärhana oňat hilli önüm çykarýar.*

**HILLILIK** [hi:llilik], *at.* Bir zadyň hilini görkeziji dereje.

**HIMIÝA** [hi:miýa], *at.* **1**. Maddalaryň düzüminiň we gurluşynyň üýtgemegi bilen birlikde, olaryň başga bir madda öwrülmek häsiýetlerini öwrenýän ylym. *Organiki himiýa. Organiki däl himiýa.* **2**. Okuw dersi.

**HIMIÝAÇY** [hi:miýaçy], *at.* **1**. Himiýa hünärmeni, himiýa bilen meşgullanýan adam. **2**. Himiýa senagatynyň işgäri.

**HIMIÝALAŞDYRMAK** [hi:miýalaşdyrmak], *işl.* Halk hojalygynyň ähli pudaklarynda himiýa tehnologiýasyny we himiýa önümlerini giňden ulanmak. *Oba hojalygyny himiýalaşdyrmak.*

**HIN** [hi:n], *at.* Gury ýerdäki ýabany haýwanlaryň, süýreniji jandarlaryň we ş.m. ýeri gazyp ýaşaýan, ýatýan sümelgesi, öýi. *Ýagşy söz ýylany hinden çykarar* (Nakyl).

◊ **Hinine bakyp üýrmek** duz iýen ýerini depmek, hemaýatçysynyň garşysyna gitmek. **Hinine suw gitmek** ynjalygy gaçmak, saly gowşamak, ugry bolmazlyk, gonjuna gor guýulmak. *"Ogurlyk edeniň kimdigini gören bar" diýdim weli, onuň hinine suw gitdi*.

**HINDI** [hinni], *at,ser.***Hindiler**.

**HINDILER** [hinniler], *at.* Milletine, dinine garamazdan, Hindistanyň ýerli ilatynyň umumy ady.

**HIŇLENIŞ**, *iş ady.* Hiňlenmek ýagdaýy.

**HIŇLENME**, *iş ady.* Hiňlenmek ýagdaýy.

**HIŇLENMEK**, *işl.* Aýdymyň sözlerini ýuwaşja heň bilen aýtmak.

**HIŇLENMEKLIK**, *iş ady.* Hiňlenmek ýagdaýy.

**HIŇŇILDI** [hiňňilli], *at.* Ýuwaşjadan hiňlenilip aýdylýan aýdym, heň.

**HIŇŇILDIK** [hiňňi:llik], *at.* Ýörite dikilen iki uzyn pürsüň üstüne kese goýlan agaçdan ýa-da bagyň uly şahasyndan ýüp asylyp uçulýan bat, sallançak. *Gelin-gyzlar, ýaş-ýeleňler hiňňildik uçýardylar* (B. Kerbabaýew).

**HIRURG** [hiru:rg], *at.* Hirurgiýadan hünärmen.

**HIRURGIÝA** [hirurgi:ýa], Lukmançylygyň keseli kesip bejeriş usuly, täri bilen meşgul bolýan hem-de ony öwrenýän bölümi.

**HO**, *çal.*, *gepl. d.*, *ser.* **Hol**. – *Ylga, Myrat, ho çuwaly gumdan doldur!* (A. Gowşudow).

**HOJALYK** [hojoluk], *at.* **1**. Önümçilik üçin hyzmat edýän, önümçiligi düzýän ähli zatlar; ykdysadyýet. **2**. Bir önümçilik görnüşiniň pudagy, şonuň ýaly-da bir önümçilik birligi. *Oba hojalygy. Şäher hojalygy.* **3**. Öý-öwzar, maşgala. *Orazgülüň hojalygynda kem zady ýokdy* (A. Gowşudow).

**HOJALYKÇY** [hojolukçy], *at.* **1**. Senagatyň, oba hojalygynyň bir pudagynyň hojalyk işlerine ýolbaşçylyk edýän adam. *Ol tejribeli hojalykçydy.* **2**. Kärhananyň, edaranyň hojalyk işlerini dolandyrýan adam. **3**. Öý-öwzar, maşgala dolanyşygyny ýöredýän adam. *Öý hojalykçy aýallar onuň sarpasyny tutardylar* (A. Durdyýew).

**HOJAÝYN** [hojoýun], *at.* **1**. Bir zadyň eýesi, bir zada eýelik edýän adam, eýe. *Kärhananyň hojaýyny.* **2**. Hojalygy we hojalyk işlerini dolandyrýan, eýelik edýän adam. *Bu öýüň hojaýyny kim.* **3**. Doly hökümdarlyk edýän adam, hökümdar, ýurt eýesi. *Öz ýurdunyň hojaýyny.* **4**. Birine ýüz tutulyp aýdylýan söz. **5**. *gepl. d.* Är, aýalyň äri, adamsy.

**HOJAÝYNLYK** [hojoýunluk], *at.* **1**. Bir zada bolan eýeçilik, ygtyýarlylyk. *Öz zadyňa hojaýynlyk etmek. Giden üzümli haýata kim hojaýynlyk edýär.* **2**. Hökümdarlyk, agalyk. *Faşistler obada hojaýynlyk süren wagtlary, agaçlaryň köpüsini çapypdylar* (B. Gurbanow).

**HOJAÝYNSUMAK** [hojoýunsumok], *at.* Hojaýynsyraýan adam.

**HOJAÝYNSYRAMA** [hojoýunsuromo], *iş ady.* Hojaýynsyramak ýagdaýy.

**HOJAÝYNSYRAMAK** [hojoýunsuromok], *işl.* Hojaýyn edip görkezjek bolmak, eýemsiremek.

**HOJAÝYNSYRAMAKLYK** [hojoýunsuromokluk], *iş ady.* Hojaýynsyramak ýagdaýy.

**HOJAÝYNSYRAÝYŞ** [hojoýunsuroýuş], *iş ady.* Hojaýynsyramak ýagdaýy.

**HOKARRYK** [hokorruk], *at.* Siliň getiren çöp-çalamlary. *Jaryň içi hokarrykdan doly.*

**HOKGA** [hokgo] **I**, *at.* **1**. Elde tikilýän bagjyksyz köwşüň bir görnüşi. *Ol yz hokgaň yzydy* (B. Soltannyýazow). **2**. Oýulyp duran ýer, deşik.

◊ **Hokga çykarmak** ilde ýok, bolgusyz bir ters iş etmek, ýok zady toslap tapmak, gödek hereket etmek.

**HOKGA** [hokgo] **II**, *at.* Üç gadaga barabar agyrlyk ölçegi.

**HOKGABAZ** [hokgova:z], *syp.* **1**. Bolgusyz zat toslap tapýan, biderek ters iş, gödek hereket edýän. **2**. Gözbagçy.

**HOKGABAZLYK** [hokgava:zlyk], *at.* **1**. Bolgusyz zat toslap tapyjylyk, gödek hereket edijilik. **2**. Gözbagçylyk.

**HOKGAR** [hokgor], *at.* Durnalar maşgalasyndan bolan uzyn aýakly, uzyn boýunly uly guş.

**HOKKEÝ** [hokge:ý/ hakge:ý], *at.* Buzuň ýa-da otuň üstünde ujy egri taýak bilen şaýba ýa-da pökgi urlup oýnalýan oýun.

**HOKKEÝÇI** [hokge:ýçi/ hakge:ýçi], *at.* Hokkeý oýny bilen meşgullanýan oýunçy.

**HOKRANMA** [hokuronmo], *iş ady.* Hokranmak ýagdaýy.

**HOKRANMAK** [hokuronmok], *işl.* **1**. Hokurdyly seslenmek (esasan, at, goýun barada). *Taý enesiniň ýanyna gelenden, hokranyp kişňäp gelýärdi* ("Görogly"). **2**. *gepl .d.* Öz-özüňden birine ýa-da bar zada käýinmek, sögünmek.

**HOKRANMAKLYK** [hokuronmokluk], *iş ady.* Hokranmak ýagdaýy.

**HOKRANYBERMEK** [hokuronuvermek], *işl.* Hokranyp başlamak.

**HOKRANYŞMAK** [hokuronuşmok], *işl.* Birnäçe bolup hokranmak; ýerli-ýerden hokranyp başlamak. *Gazykda daňylgy duran atlar hokranyşyp başladylar.*

**HOKRARYLMA** [hokurorulmo], *iş ady.* Hokrarylmak ýagdaýy.

**HOKRARYLMAK** [hokurorulmok], *işl.* Hoňkaryp durmak, hoňkarylyp durmak. *Gözleriniň owasy hokrarylyp durdy, maňlaýy eňňit atyp ýatyrdy* ("Edebiýat we sungat").

**HOKRARYLMAKLYK** [hokurorulmokluk], *iş ady.* Hokrarylmak ýagdaýy.

**HOKRARYLYŞ** [hokuroruluş], *iş ady.* Hokrarylmak ýagdaýy.

**HOKURDABERMEK** [hokurda:vermek], *işl.* Hokurdyly ses edip başlamak.

**HOKURDAMA** [hokurdomo], *iş ady.* Hokurdamak ýagdaýy.

**HOKURDAMAK** [hokurdomok], *işl.* Hokurdyly ses çykarmak, hokurdyly seslenmek. *Hokurdaýar omuzlar, Şatyrdaýar bilekler* (K. Gurbannepesow). *Meniň çignim bir hili hokurdan ýaly boldy.*

**HOKURDAMAKLYK** [hokurdomokluk], *iş ady.* Hokurdamak ýagdaýy.

**HOKURDAN** [hokurdon], *at, ser.* **Hokurtga**. *Ýerimizi zaýalaýarlar, jaryň boýundaky ýerlerimizde alakalaryň hinlerine suw gidip hokurdan açan ýerleride gyt däl* (N. Esenmyradow).

**HOKURDAŞMAK** [hokurdoşmok], *işl.* Hokurdyly seslenişmek. *Eginleri hokurdaşyp dur.*

**HOKURDATMAK** [hokurdotmok], *işl.* Hokurdyly seslendirmek, hokurdyly ses çykarmak.

**HOKURDAÝYŞ** [hokurdoýuş], *iş ady.* Hokurdamak ýagdaýy.

**HOKURDY**, *at.* Gylýal hokrananda, deşige suw gidende ýa-da adamyň beden agzalarynyň käbir hereketi netijesinde çykýan sesiň ady.

**HOKURTGA** [hokurtgo], *at.* Suwy ýuwudyp ýatan deşik. *Diňe suwuň hokurtga guýulýan günleç sesi eşidilýärdi.*

◊ **Hokurtga ýaly** gözi zatdan doýmaýan, köp iýýän adam.

**HOL**, "Ol, holha, honha, ho, şol" ýaly many aňladýan çalyşma. *Ana, hol çaklaň oba ýaly mähnet çelekleri görýärmiň?* (B. Kerbabaýew).

**HOLHA** [holha:], *gepl.d.* "Ynha, ine, honha" we ş.m. sözleriň manysynda ulanylýan çalyşma. *Holha, tamlaryň gyrasy görnüp başlady* (B. Seýtäkow).

**HOLPULDAMA** [holpullomo], *iş ady.* Holpuldamak ýagdaýy.

**HOLPULDAMAK** [holpullomok], *işl.* **1**. Giňliginden ýaňa holp-holp etmek. *Ýokary çekilen keşdeli balagynyň agzyndan kiçijik gara injikleri darty ýaly görnüp, ýalaňaç aýaklary giň galoşyň içinde holpuldaýardy* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç. m.* Bir zadyň ugrunda selpemek, hasanaklap ýörmek. *Gulman hemme kişiniň gözüniň öňünde öz howlusyna baka sowlan paýtunyň gapdalyndan holpuldap ylgaýardy* (A. Gowşudow).

**HOLPULDAMAKLYK** [holpullomokluk], *iş ady.* Holpuldamak ýagdaýy.

**HOLPULDAŞMAK** [holpulloşmok], *işl.* Köp, birnäçe bolup holpuldamak; birsyhly holpuldap ýörmek.

**HOLPULDATMAK** [holpullotmok], *işl.* Holpuldyly ses etdirmek, holpuldyly seslendirmek. *Köwşüňi holpuldadyp, nirä barýarsyň?!*

**HOLPULDAÝYŞ** [holpulloýuş], *iş ady.* Holpuldamak ýagdaýy.

**HOLPULDY** [holpully], *at.* Giň, uly geýim, aýakgap geýip ýörelende döreýän sesiň ady.

**HOLPY-SOLPULYK** [holpu-solpuluk], *at.* Giň, uzyn sallam-sajak bolup duran ýagdaýda bolmaklyk.

**HOLPY-SOLPY** [holpu-solpy], *syp.* Sallam-sajak bolup duran, giň bolan (geýim-gejim barada).

**HOLTUM**, *at.* **1**. Piliň turbapisint ösüntgi sekilindäki burny. **2**. Gotanyň alkymynyň aşagynda halparyp duran haltasy.

◊ **Holtumyna salmak (urmak)** öz peýdaň üçin almak.

**HOLTUMLY**, *syp.* Holtumy bar bolan.

**HOMPULDAMA** [hompullomo], *iş ady.* Hompuldamak ýagdaýy.

**HOMPULDAMAK** [hompullomok], *işl.* Homp-homp edip ýöremek.

**HOMPULDAMAKLYK** [hompullomoluk], *iş ady.* Hompuldamak ýagdaýy.

**HOMPULDAŞMAK** [hompulloşmok], *işl.* Köp bolup hompuldap ýöremek.

**HOMPULDAÝYŞ** [hompulloýuş], *iş ady.* Hompuldamak ýagdaýy.

**HONDAN** [honnon]**: hondan bärsi bolmak** özüňi ulumsy tutmak, gopbamsy bolmak. *Ol hondanbärsi bolup, gözüni-gaşyny çytyşdyrdy*.

**HONHA** [honha:], *çal., ser.* **Holha**. *Honha, dag ýaly belent ýapynyň üstünden bulut kerweni indi* (H. Derýaýew).

**HOŇKA** [hoňko], *syp.* Içi boş, hoňkaryp, köwelip duran, içi köwelip görünýän.

**HOŇKARMA** [hoňkormo], *iş ady.* Hoňkarmak ýagdaýy.

**HOŇKARMAK** [hoňkormok], *işl.* Içi boş, deşik ýaly bolup görünmek, köwelip, oýulyp durmak. *Çyralarynyň aýnasy alnansoň, gözleri hoňkaryp dur* (H. Garabaýew). *Hoňkaryp duran deşik.*

**HOŇKARMAKLYK** [hoňkormokluk], *iş ady.* Hoňkarmak ýagdaýy.

**HOŇKARTMAK** [hoňkortmok], *işl.* Hoňka etmek, hoňkarar ýaly edip goýmak. *Diwaryň böwrüni hoňkardyp goýmak.*

**HOŇKARYŞ** [hoňkoruş], *iş ady.* Hoňkarmak ýagdaýy.

**HOŇKARYŞMAK** [hoňkoruşmok], *işl.* Köp ýerler, zatlar hoňka-hoňka bolup ýatmak.

**HOŇKUDYK-HOŇKUDYK** [hoňkuduk-hoňkuduk]: **hoňkudyk-hoňkudyk etmek** *ser.* **Hoňkudyklamak**.

**HOŇKUDYKLABERMEK**[hoňkudukla:vermek], *işl.* Hoňkudyklap başlamak.

**HOŇKUDYKLAMA** [hoňkuduklomo], *iş ady.* Hoňkudyklamak ýagdaýy.

**HOŇKUDYKLAMAK** [hoňkuduklomok], *işl.* Loňk-loňk edip ylgaşlap hereket etmek, höküdiklemek. *Ol hoňkudyklap gitdi.*

**HOŇKUDYKLAMAKLYK** [hoňkuduklomokluk], *iş ady.* Hoňkudyklamak ýagdaýy.

**HOŇKUDYKLAŞMAK** [hoňkudukloşmok], *işl.* Birnäçe bolup hoňkudyklamak. *Olar hoňkudyklaşyp gitdiler.*

**HOŇKUDYKLATMAK** [hoňkuduklotmok], *işl.* Hoňkudyklar ýaly etmek, loňkuldatmak, hoňkudyk-hoňkudyk edip sürmek.

**HOŇŇULDABERMEK** [hoňňulla:vermek], *işl.* Hoňňul-hoňňul edip başlamak.

**HOŇŇULDAMA** [hoňňullomo], *iş ady.* Hoňňul-damak ýagdaýy.

**HOŇŇULDAMAK** [hoňňullomok], *işl.* Zeýrenip, nägilelik bilen hüňürdemek, igenmek. *Hoňňuldama-da, aýdylan bilen boluber!*

**HOŇŇULDAMAKLYK** [hoňňullomokluk], *iş ady.* Hoňňuldamak ýagdaýy.

**HOŇŇULDAŞMAK** [hoňňulloşmok], *işl.* Hoňňul-hoňňul edişmek, köp bolup, bilelikde hoňňuldamak.

**HOŇŇULDAÝYŞ** [hoňňulloýuş], *iş ady.* Hoň-ňuldamak ýagdaýy.

**HOŇŇULDY** [hoňňully], *at.* Zeýrenip, sögünip, nägilelik bilen edilýän igenç.

**HOŇŇUL-HOŇŇUL: hoňňul-hoňňul etmek** nägileleik bilen hoňňuldamak, hoňňuldyly igenmek.

**HOP1**."Bolýar, ýagşy onda" diýen ýaly many aňladýan jogap sözi. *Hop, hop, Emin aga!* (A. Gowşudow). **2**. "Ahmyr etmek, gahar bildirmek, ökünmek" ýaly many aňladýan giriş sözi. *Hop, bolýar-da! Sen ahyrynda meniň elime düşersiň!* (B. Kerbabaýew). **3**.Agyr ýük göterjek bolnanda we ş.m. ýagdaýda güýç jemlenip aýdylýan söz. *Hop! diýip, üç gapyrjagy göterip, ýerinden galdy* (A. Gowşudow).

**HOPBA** [hopbo], *at.* **1**. Uly gapyrjaklaryň iki gapdalyndan tutup götermek üçin kakylan ýarym metr çemesi tagta tutawaç. *Ýaşşigiň hopbasy döwlüpdir.* **2**. Birnäçe tagta birikdirilende, berklik üçin arka ýüzünden kakylýan tagta bölekleri.

◊ **Hopba bolmak** biriniň arkasyna münmek. *Il--günüň boýnuna hopba bolmasyn, Il-gününi etsin boýnuna hopba* (K. Gurbannepesow). **Hopba etmek** birini egniňden ýapyşdyryp, arkaňa mündürmek, arkaňa götermek. *Jigiňi hopba etmek.*

**HOPBA** [hopba:], Çagany götereniňde onuň özüne ýüzlenilip aýdylýan söz. *Kakasy oguljygyny iki eli bilen ýokaryk göterdi-de: "Hopba" diýdi.*

**HOPBALAMA** [hopbolomo], *iş ady.* Hopbalamak ýagdaýy.

**HOPBALAMAK** [hopbolomok], *işl.* **1**. Hopba kakmak, hopba berkitmek. *Gapyrjaklary hopbalamak.* **2**. Arkaňa hopba edip almak, mündürmek. *Garry ene agtygygny hopbalap arkasyna aldy.*

**HOPBALANMAK** [hopbolonmok], *işl.* Hopba kakylmak, hopba berkidilmek.

**HOPBALATMAK** [hopbolotmok], *işl.* Birine hopba etdirmek.

**HOPBALAÝYŞ** [hopboloýuş], *iş ady.* Hopbalamak ýagdaýy

**HOPMA** [hopmo], *iş ady.* Hopmak ýagdaýy.

**HOPMAK** [hopmok], *işl.* Ýer, dag we ş.m. zatlar aşak çökmek, ýer çekmek, ýer ýuwudan ýaly bolmak.

**HOPUGYŞ** [hopuğuş], *iş ady.* Hopukmak ýagdaýy.

**HOPUGYŞMAK** [hopuğuşmok], *işl.* Köp bolup hopukmak.

**HOPUKDYRMAK** [hopukdurmok], *işl.* Hopugar ýaly etmek. *Sowuk suw ony hopukdyrdy.*

**HOPUKDYRYJY** [hopukduruju], *syp.* Hopukdyrýan ýagdaý, dem almagy kynlaşdyrýan, demikdiriji.

**HOPUKMAK** [hopukmok], *işl.* **1**. Dem almagyň kynlaşmak, agyrlaşmak, demikmek. *Bir haýukdan soň ýorganyň içinde gara dere batyp, hopugyp ýerinden galdy* (A. Durdyýew). **2**. *göç.m.* Gorky aralaşmak, howsala düşmek. *Ol öz eden işiniň oýun-oýunjak däldigini bilip hopukdy.*

**HOPUKMAKLYK** [hopukmokluk], *iş ady.* Hopukmak ýagdaýy

**HOPUL-SOPUL**, *syp.* Giň, tagaşyksyz geýim geýnen. *Ol geýen eşigini, balagynyň uçguryny, çarygynyň bagyny oňarman, süýräp, hopul-sopul gezerdi* (A. Durdyýew).

**HOPURDADYŞ** [hopurdoduş], *iş ady.* Hopurdatmak ýagdaýy.

**HOPURDATMA** [hopurdotmo], *iş ady.* Hopurdatmak ýagdaýy.

**HOPURDATMAK** [hopurdotmok], *işl.* Suwuk nahary, çaýy we ş.m. çalasynlyk bilen köp mukdarda owurtlap, hopurdyly seslendirip içmek, horpuldatmak. *Hopurdadyp bar çorbany içdi ol, Çörekdir çemçäni elden goýmady* (M. Myşşyýew).

**HOPURDATMAKLYK** [hopurdotmokluk], *işl.* Hopurdatmak ýagdaýy.

**HOPURDY**, *at.* Howlugyp çaý içilende ýa-da suwuk zat agzyň doldurylyp içilende çykýan sesiň ady.

**HOPURDYLY** [hopurduly], *syp.* Hopurdy sesi bilen seslenýän.

**HOR** [ho:r] **I**, *syp.* **1**. Semiz däl, arryk, gapyrgalaryny sanabermeli. *Ol kelte boýly, inçe, hor adamdy* (B. Seýtäkow). **2**. Durmuşda, ýaşaýyşda maddy taýdan ýetmezçilik, mätäçlik çekýän, garyp ýaşaýan. *Ýeri har etmeseň, ýer seni hor etmez* (Nakyl).

◊ **Hor düşmek** maddy taýdan mätäçlik çekmek, garyp, ýeter-ýetmez ýaşamak.

**HOR** [ho:r] **II**, *at.* Aýdymy bileleşip, köpçülik bolup ýerine ýetirýän aýdymçylar topary. *Operada horuň paýyna örän uly, jogapkärli orun berlipdir* ("Edebiýat we sungat").

**HOR**, *at, ser.* **Horruldy**.

◊ **Hor çekmek** *ser.* **Horlamak**. *Tamyň bir burçunda, hor çekýär täsin* (K. Gurbannepesow).

**HORA** [ho:ro], *syp.* Suwy süýjemedik, bişmedik, gök (esasan, üzüm hakynda). *Eý möjek dost, sen günorta bolan wagty üzümli haýata bar-da, üzümiň horaragyndan iý!* (Halk ertekisinden).

**HORAN** [horon], *syp.* Köp iýýän, iýermen, işdämen, nahar dandamaýan.

**HORANLYK** [horonluk], *at.* Iýermenlik, işdämenlik. *Ol ajygyp gelensoň, nahary horanlyk bilen iýýärdi.*

**HORAŞA** [horoşo], *syp.* Ýönekeýden sada. *Horaşa eşigindenem onuň pukara adamdygy görnüp durdy*.

**HORAŞAJA** [horoşojo], *syp.* Ýönekeýden sadaja. *Horaşaja ýabylar oňa ýol berdiler* (B. Kerbabaýew).

**HORAZ** [horoz], *at.* Towugyň erkek jynslysy, towuklar maşgalasyndan bolan beýleki käbir guşlaryň erkegi.

**HORAZKEKEÇ** [horozkekeç], *at.* Ýabany otuň bir görnüşi.

**HORDA** [hordo] **I**, *syp.* Gowy däl, ýaramaz, erbet. *Halk hemişe-de gowy bilen hordany seljeripdir.*

**HORDA** [hordo] **II**, *at.* Atyň öň aýaklarynyň injiginiň iç ýüzünde emele gelýän gury ýara, gabarçyk.

**HORDA** [ho:rdo], *at, mat.* Egri çyzygyň iki nokadyny birleşdirýän göni çyzyk.

**HORDALYK** [hordoluk], *at.* Gowy dällik, ýaramazlyk, erbetlik. *Garrylar matanyň gowulygy, hordalygy hakynda eňekleşdiler* (A. Saryhanow).

**HORGURMA** [horğurmo], *iş ady.* Horgurmak ýagdaýy.

**HORGURMAK** [horğurmok], *işl.* Hokranýan ýaly burnuny parladyp seslenmek (at hakda). *Düldül özümiziňkilere geldik diýýän ýaly, başyny silkip horgurdy* (S. Myradow).

**HORGURMAKLYK** [horğurmokluk], *iş ady.* Horgurmak ýagdaýy.

**HORGURYBERMEK** [horğuruvermek], *işl.* Horguryp başlamak.

**HORGURYŞ** [horğuruş], *iş ady.* Horgurmak ýagdaýy.

**HORGURYŞMAK** [horğuruşmok], *işl.* Birnäçe bolup horgurmak. *Atlar suwuň ysyny alyp horguryşdylar* (B. Seýtäkow).

**HOR-HOMSY** [ho:r-homsy], *syp.* Ýeter-ýetmez ýagdaýda ýaşaýan, horluk çekýän.

**HOR-HOR: hor-hor etmek** gaharly käýinmek, hüňürdemek. **Hor-horuny ýatyrmak** käýinmesini, hüňürdäp ýörmesini, men-menligini goýdurmak.

**HORJUN**, *at.* At, eşek we ş.m. ulag mallarynyň üstüne atylýan haly ýaly çitilip ýa-da kakylyp dokalýan iki gözli gap. *Ýanynda bar ýüki ýeke horjuny,Düşende egnine atypdy ony* (A. Kekilow).

**HORK-HORK: hork-hork etmek** horkuldap aglamak.

**HORKULDAMA** [horkullomo], *iş ady.* Horkuldamak ýagdaýy.

**HORKULDAMAK** [horkullomok], *işl.* Horkuldap aglamak, hork-hork etmek. *Ol horkuldap aglamaga başlady* (A. Nazarow).

**HORKULDAMAKLYK** [horkullomokluk], *iş ady.* Horkuldamak ýagdaýy.

**HORKULDAŞMAK** [horkulloşmok], *işl.* Birnäçe bolup horkuldamak.

**HORKULDAÝYŞ** [horkulloýuş], *iş ady.* Horkuldamak ýagdaýy.

**HORKULDY** [horkully], *at.* Adamyň demi içine sygman aglanda, doňuz hork-hork edip seslenende we ş.m. döreýän ses we şol sesiň ady.

**HORKULDYLY** [horkulluly], *syp.* Horkuldy gatyşykly.

**HORLAMA** [horlomo], *iş ady.* Horlamak ýagdaýy.

**HORLAMA** [ho:rlomo], *iş ady.* Horlamak ýagdaýy.

**HORLAMAK** [horlomok], *işl.* Horruldyly seslenmek, hor çekmek. *Durdyguly oýanar ýaly däldi, barha güýçli horlaýardy* (Ö. Abdyllaýew).

**HORLAMAK** [ho:rlomok], *işl.* **1**. Hor, arryk hala getirmek, igletmek, arryklatmak. *Mallary otsuz horlamak.* **2**. Ruhy ýa-da fiziki taýdan jebire, süteme sezewar etmek, ezmek, ezýet bermek, zulum etmek. *Meni kiçijik görüp urarlar, horlarlar öýdýämiň?* (B. Kerbabaýew).

**HORLAMAKLYK** [horlomokluk], *iş ady.* Horlamak ýagdaýy.

**HORLAMAKLYK** [ho:rlomokluk], *iş ady.* Horlamak ýagdaýy.

**HORLANMAK** [ho:rlonmok], *işl.* **1**. Etiň dökülip, hor düşmek. **2**. Horluk çekmek. **3**. Kösenmek. *Hemme zada ýetjek bolup, gaty horlanyp ýörme*.

**HORLAŞMAK** [horloşmok], *işl.* Köp bolup horlamak, hor çekişmek. *Olar häzir hem horlaşyp ýatyrdylar.*

**HORLATMAK** [horlotmok], *işl.* Hor çeker ýaly etmek, horlamaga mümkinçilik bermek.

**HORLATMAK** [ho:rlotmok], *işl.* Horlamaga ýol bermek, horlar ýaly etdirmek. *Özüňi horlatmak.*

**HORLAÝYŞ** [horloýuş], *iş ady.* Horlamak ýagdaýy.

**HORLAÝYŞ** [ho:rloýuş], *iş ady.* Horlamak ýagdaýy.

**HORLUK** [ho:rluk], *at.* **1**. Semiz dällik, iglilik, arryklyk. **2**. Ruhy ýa-da fiziki taýdan çekilýän jebir, sütem, görgi.

**HORLUKLY** [ho:rlukly], *syp.* Jebir-sütemli, horluk bilen geçýän.

**HORMAT** [hormot], *at.* Biriniň hatyrasy üçin goýulýan sarpa, sylag, edilýän hezzet. *Hormata mynasyp adam*.

◊ **Hormat garawuly** dabaraly ýa-da hasratly ýygnanyşyk mahalynda biriniň ýa-da bir wakanyň hormatyna bellenen adamlaryň guramaçylykly resmi topary. **Hormat haty** zähmetde, okuwda tapawutlanan adamlara berilýän resminama. **Hormat tagtasy** işde üstünlik gazanan adamlaryň ady ýa-da suraty görkezilýän tagta.

**HORMAT-HEZZET** [hormot-hezzet], *at.* Birine edilýän hormat, sylag, hezzet, söwüş.

**HORMATLAMA** [hormotlomo], *iş ady.* Hormatlamak ýagdaýy.

**HORMATLAMAK** [hormotlomok], *işl.* Birine hormat goýmak, sylag, hormat etmek, hatyrasyny tutmak.

**HORMATLAMAKLYK** [hormotlomokluk], *iş ady.* Hormatlamak ýagdaýy.

**HORMATLANMAK** [hormotlonmok], *işl.* Hormat edilmek, hormata mynasyp bolmak, sarpa goýulmak. *Hormatlanyp garşylanmak.*

**HORMATLAÝYŞ** [hormotloýuş], *iş ady.* Hormatlamak ýagdaýy.

**HORMATLY** [hormotly], *syp.* Hormata mynasyp bolan, sylag, hormat goýulýan.

◊ **Hormatly at** öz zähmet çekýän ugrunda gazanýan üstünligi, durmuşdaky oňat göreldesi üçin hökümet tarapyndan ýörite perman esasynda sylag-hormat hökmünde dakylýan at, gowşurylýan sylag.

**HORMATLYLYK** [hormotluluk], *at.* Hormata mynasyplyk.

**HORMAT-SYLAG** [hormossy:lağ], *at, ser.* **Hormat-hezzet**.

**HORMATSYZ** [hormossuz], *syp.* Hormata mynasyp däl, sarpasy tutulmaýan, hormat goýulmaýan.

**HORMATSYZLYK** [hormossuzluk], *at.* Hormata mynasyp dällik, hormat goýulmaýanlyk, sarpasy tutulmaýanlyk.

**HORP**, *s. ş. aňl. söz.* Düýe suwy bir gezek owurtlanda çykýan ses.

◊ **Horp etmek** bir gezek horpuldadyp içmek, ýuwutmak.

**HORP-HORP**, *s. ş. aňl. söz.* Düýe suw içende yzly-yzyna çykýan sesler.

**HORPULDADYBERMEK** [horpulloduvermek], *işl.* Horpuldadyp içibermek.

**HORPULDADYŞ** [horpulloduş], *iş ady.* Horpuldatmak ýagdaýy.

**HORPULDATMA** [horpullotmo], *iş ady.* Horpuldatmak ýagdaýy.

**HORPULDATMAK** [horpullotmok], *işl., ser.* **Hopurdatmak**. *Ol çep aýagyny uzadyp, elindäki çaýyny horpuldadyp içdi* (B. Kerbabaýew).

**HORPULDATMAKLYK** [horpullotmokluk], *iş ady.* Horpuldatmak ýagdaýy.

**HORPULDY** [horpully], *at.* Suwuklyk horpuldadylyp içilende çykýan sesiň ady.

**HORRAM** [horrom]: **horram bolmak** doýmak, zerrin bolmak. *Olar iýip-içip, horram boldular.*

**HORRULDABERMEK** [horrulla:vermek], *işl.* Horruldap başlamak.

**HORRULDAMA** [horrullomo], *iş ady.* Horruldamak ýagdaýy.

**HORRULDAMAK** [horrullomok], *işl., ser.* **Horlamak**. *Ol henizem ýogyn-ýogyn horruldap, garnyny gäberdip ýatyrdy* (G. Kulyýew).

**HORRULDAMAKLYK** [horrullomokluk], *iş ady.* Horruldamak ýagdaýy.

**HORRULDAŞMAK** [horrulloşmok], *işl.* Köp bolup, bilelikde horruldamak. *Olar henizem horruldaşyp ýatyrlar.*

**HORRULDAÝYŞ** [horrulloýuş], *iş ady.* Horruldamak ýagdaýy.

**HORRULDY** [horrully], *at.* Adam uklap ýatanda bogazynda emele gelýän sesiň ady. *Süýji uka giden myhmanyň horruldysy eşidilýärdi* (B. Gurbanow).

**HORTAŇ** [ho:rtoň], *syp., ser.* **Hortap**.

**HORTAP** [ho:rta:p], *syp.* Horrak, hortaň.

**HORUGYŞ** [ho:ruğuş], *iş ady.* Horukmak ýagdaýy.

**HORUKDYRMAK** [ho:rukdurmok], *işl.* Horugar ýaly etmek, hor düşürmek.

**HORUKMA** [ho:rukmo], *iş ady.* Horukmak ýagdaýy.

**HORUKMAK** [ho:rukmok], *işl.* Bir zadyň ýetmezçilik etmegi, ýeter-ýetmez bolmagy sebäpli hor düşmek, arryklamak, horlanmak. *Öte horugan mahalyň ýokumly tagamlar bilen ýuwaş-ýuwaşdan agramyňy kadaly ýagdaýa ýetirmäge çalyşmaly* (″Saglyk″).

**HORUKMAKLYK** [ho:rukmokluk], *iş ady.* Horukmak ýagdaýy.

**HORYDA** [ho:ruýdo], *syp.* Hordan çepiksiz; horhomsy.

**HOR-ZAR** [ho:r-za:r], *syp.* Horlukda, ýetmezçilikde, mätäçlikde ýaşaýan.

**HOSSA** [ho:sso], *at.* Kynçylyk, dert, azar. *Demir işi köp jepaly işdir, Onuň eşretem bardyr, hossasam* (H. Garabaýew).

**HOSSAR** [ho:ssa:r], *at.* Ýakyn ýa-da daşgyn garyndaş; birine arka durýan adam.

**HOSSARÇYLYK** [ho:ssa:rçylyk], *at, ser.* **Hossarlyk**. *Siziň hossarçylygyňyzy o dünýä, bu dünýä ýatdan çykarman* (B. Seýtäkow).

**HOSSARLYK** [ho:ssa:rlyk], *at.* Hossar bolmaklyk, hossarçylyk. *Ýaman günde ýagşy dostdan, Hossarlyk ýetdigi bardyr* (Ç. Aşyrow). *Ömrüm ötýänçä saňa hossarlyk ederin.*

**HOŞ**, **1**. ″Bolýar, ýagşy″ diýen many aňladýan söz. *“Hoşuň atasy ölmändir”* (Nakyl). **2**. Gowy, ýakymly. *Öňüň gara, yzyň gözle, Hoş sözüň diý, gahryň gizle* (Magtymguly). *Hoş owazly saýrak guş*. **3**. Hoşlaşylanda ″sag bol″ diýen manyda ulanylýan söz. *Hoş, bizi soranlara köp salam aýdyň.*

◊ **Hoş geldiňiz!**″geleniňize şat, siz üçin işigimiz açyk″ diýen manyda ulanylýan durnukly söz düzümi. **Hoş gördük!** duşuşykda, birine gabat geleniňde, görşeniňde we ş.m. göreniň üçin şatdygyň, hoşaldygyň bildirilip aýdylýan aňlatma. **Hoş söz bermek** möhümini bitirjekdigiňi, haýyşyny berjaý etjekdigiňi wada etmek. **Hoşuňa gelmek** göwnüňe ýaramak, halamak. **Hoş ýakmak** ýakymly, oňaýly, mylaýym täsir etmek. **Hoşy bolmak** ile ýaramly, arzyly bolmak, il adamsy bolmak. *Ýigit kimin, bir är kimin, Iliň-günüň hoşy boluň* (G. Ezizow).

**HOŞA** [ho:şo] **I**, *at.* Arpa, bugdaý ýaly ekiniň hasyly ýygnalanda dökülip galýan we soňra ýygnalýan däneli başy. *Hoşa çöpläp iki çaga, Örän uzaga gitdiler* (Ç. Aşyrow). *Olar ýene haltalaryny eginlerine atyp, hoşa çöplemäge gitdiler* (N. Esenmyradow).

**HOŞA** [ho:şo] **II**, *at.* Üzümiň tutuş bir salkymy. *Ýolda gelýärkäm, bir hoşa üzüm iýdim* (A. Gowşudow).

**HOŞAÇY** [ho:şoçy], *at.* Hoşa çöpleýän, ýygnaýan adam. *Gyzyly kän, samany az hoşanyň, Çyn şahyry men hoşaça ogşadýan* (M. Seýidow).

**HOŞAL** [hoşa:l], *syp.* Birinden ýa-da bir zatdan göwni hoş bolan, razy, şat bolan.

**HOŞALLANMA** [hoşa:llanma], *iş ady.* Hoşallanmak ýagdaýy.

**HOŞALLANMAK** [hoşa:llanmak], *işl.* Göwnüň hoş bolmak, göwnüň bitmek, minnetdar bolmak.

**HOŞALLANMAKLYK** [hoşa:llanmaklyk], *iş ady.* Hoşallanmak ýagdaýy.

**HOŞALLANYŞ** [hoşa:llanyş], *iş ady.* Hoşallanmak ýagdaýy.

**HOŞALLYK** [hoşa:llyk], *at.* Göwnüň hoşluk, razylyk, minnetdarlyk.

**HOŞAMATLYK** [hoşa:matlyk], *syp., ser.* **Hoşamaýlyk**.

**HOŞAMAÝ** [hoşoma:ý], *syp.* Mähirli, mylaýym, mylakatly, ýakymly. *Aňyrsy birnäçe minutdan dolanyp gelen goja oňa hoşamaý söz atdy* (B. Kerbabaýew).

**HOŞAMAÝÇYLYK** [hoşoma:ýçylyk], *at, ser.* **Hoşamaýlyk**.

**HOŞAMAÝLAMAK** [hoşoma:ýlamak], *işl.* Hoşamaýlyk etmek, mähirlilik bildirmek, mylaýymlyk etmek, göwnüni tapjak bolmak. *Ejesi hoşamaýlap, çagasyny köşeşdirdi.*

**HOŞAMAÝLYK** [hoşoma:ýlyk], *at.* Mylaýymlyk, mylakatlylyk, mähirlilik, ýakymlylyk, hoşamaýçylyk. *Goja agtygyny gujagyny alyp, oňa aýagynyň, arkasynyň agyrýandygyny, çykylsa gowy bolýandygyny hoşamaýlyk bilen düşündirdi* (O. Ödäýew).

**HOŞBAGT** [hoşvağyt], *syp.* Bagty açyk, bagtly.

**HOŞBAGTLYK** [hoşvağytlyk], *at.* Bagty açyklyk, bagtlylyk. *Olar beýle hoşbagtlygy haçan görüpdirler* (G. Kulyýew).

**HOŞBOÝ** [hoşvo:ý], *syp.* Jana ýaramly, örän ýakymly, mylaýym (ys barada). *Giň howlynyň içinde täze bugdaýyň hoşboý ysy burk urýardy* (A. Gowşudow).

**HOŞGÖWÜN** [hoşğöwün], *syp., ser.* **Hoşgylyk**.

**HOŞGYLAW** [hoşğylow], *syp.* Her bir zady ýerine ýetirmäge hyjuwy, arzuwy, niýeti bar bolan, gowy niýetli. *Bu görnüş ony diýseň hoşgylaw görkezýärdi* (″Edebiýat we sungat″).

**HOŞGYLAWLYK** [hoşğylowluk], *at.* Her bir zady ýerine ýetirmekde hyjuwlylyk, gowy niýetlilik, arzuwlylyk.

**HOŞGYLAWLYLYK** [hoşğylowluluk], *at, ser.* **Hoşgylawlyk**. *Orazgül bolsa hoşgylawlylyk bilen sorady* (A. Gowşudow).

**HOŞGYLYK** [hoşğylyk], *syp.* Gylygy, gylykhäsiýeti gowy, hoşgöwün.

**HOŞHAL** [hoşha:l], *syp.* Haly hoş, şadyýan. *Bir hoşhal bolup gülmedim* (Talyby).

**HOŞHALLYK** [hoşha:llyk], *at.* Haly hoş bolmaklyk.

**HOŞLAMA** [hoşlomo], *iş ady.* Hoşlamak ýagdaýy.

**HOŞLAMAK** [hoşlomok], *işl.* Köklemek. *Iýdi, içdi, keýpini hoşlady.*

◊ **Göwün hoşlamak** göwnüňi açmak, wagtyňy hoş etmek, şatlanmak. *Kim islese şol bizde, iýip göwnün hoşlaýar* (N. Pomma).

**HOŞLAMAKLYK** [hoşlomokluk], *iş ady.* Hoşlamak ýagdaýy.

**HOŞLAŞMA** [hoşloşmo], *iş ady.* Hoşlaşmak ýagdaýy.

**HOŞLAŞMAK** [hoşloşmok], *işl.* **1**. Biri ugradylanda ýa-da biri bilen aýrylyşylanda ″hoş, sag bol″ diýişmek, hoşluk arzuw edişmek. **2**. *gepl. d.* Birinden ýa-da bir zatdan el üzmek, jyda düşmek, aýrylmak.

**HOŞLAŞMAKLYK** [hoşloşmokluk], *iş ady.* Hoşlaşmak ýagdaýy.

**HOŞLAŞYK** [hoşloşuk], *at.* ″Sag bol″ diýmeklik, hoşlaşmaklyk. *Hoşlaşyk wagty golaýlaşýardy.*

**HOŞLAŞYŞ** [hoşloşuş], *iş ady.* Hoşlaşmak ýagdaýy.

**HOŞLUK**, *at.* Keýpi köklük, hoşwagtlylyk, razylyk, hoşnutlyk. *Aýdym-saz hoşlugyň alamatydyr.*

**HOŞMEÝIL**, *syp., ser.* **Hoşmeýilli**.

**HOŞMEÝILLI**, *syp.* Niýeti, meýli, arzuwy oňat bolan.

**HOŞMEÝILLILIK**, *at, ser.* **Hoşniýetlilik**.

**HOŞNIÝET**, *syp.* Niýeti, arzuwy oňat, gowulygy isleýän, hoşniýetli. *Hoşniýet myhman.*

**HOŞNIÝETLI**, *syp., ser.* **Hoşniýet**. *Hoşniýetli gatnaşyklar.*

**HOŞNIÝETLILIK**, *at.* Niýeti, arzuwy gowulyk, gowy islegde bolmaklyk.

**HOŞNUT** [hoşnu:t], *hal, k. d., ser.* **Hoşwagt**. *Ýa hoşnut eýlegil şirin sözüňden, Ýa ki mundan beter bikarar eýle* (Mollanepes).

**HOŞNUTLYK** [hoşnu:tluk], *at, ser.* **Hoşwagtlyk**. *Aýdym-saz hoşnutlygyň alamatydyr* (B. Kerbabaýew). *Ol ýüzüni güldürip, hoşnutlyk bilen murtuny sypalaşdyrdy* (S. Myradow).

**HOŞOWAZ** [hoşowa:z], *syp.* Ýakymly, mylaýym owazly. *Sesiň ýaňlandyrýar, dag bilen düzi, Hoşowaz ýoldaşym, Durdy Gylyç aga* (A. Salyh).

**HOŞROÝ** [hoşuro:ý], *syp., k. d.* Ýüz keşbi owadan we görmegeý, güler ýüzli, gelşikli. *On sekiz ýaşyny dolduran hoşroý, näzenin gyzdy* (″Görogly″).

**HOŞROÝLYK** [hoşuro:ýluk], *at.* Owadanlyk, görmegeýlik, gelşiklilik. *Hoşroýlyk bize ýagydyr, Görogly goluna düşdüm* (″Görogly″).

**HOŞROÝLYLYK** [hoşuro:ýluluk], *at.* Hoşroýly bolmaklyk.

**HOŞSURAT** [hoşsu:rot], *syp.* Owadan ýüzli, görmegeý. *Uzyn boýly, giň gujakly, hoşsurat* (Kemine).

**HOŞTAP** [hoşta:p], *syp.* Jana ýaramly, mylaýym, ýakymly. *Säher howasy örän hoştapdy.*

**HOŞTAPLYK** [hoşta:plyk], *at.* Hoştap, jana ýaramly bolmaklyk.

**HOŞWAGT** [hoşwağyt], *hal.* Wagty hoş, keýpi kök, hoşal, şat, hoşnut. *Jany jennet içre, gökde şat gezer, Ýerde hoşwagt ýatar, posty atamyň* (Magtymguly).

**HOŞWAGTLYK** [hoşwağytlyk], *at.* Wagty hoşluk, keýpi köklük, hoşallyk, hoşnutlyk.

**HOŞÝAKMAZ**, *syp.* Diýen-aýdanyň göwnüne ýaramaýan, göwnünden turmaýan.

**HOŞÝAKMAZLYK**, *at.* Diýen-aýdanyň janyna ýaramaýanlyk.

**HOŞZYBAN** [hoşzyva:n], *syp.* Süýji dilli, dili ýakymly bolan, lezzet berýän.

**HOTURDABERMEK** [hoturda:vermek], *işl.* Hoturdyly seslenibermek.

**HOTURDAMA** [hoturdomo], *iş ady.* Hoturdamak ýagdaýy.

**HOTURDAMAK** [hoturdomok], *işl.* Hoturdyly ses etmek, hoturdyly seslenmek, gütürdemek. *Aýagyň astynda hoturdap duran irimçik çagyl dökülen ýola gadam basdym* (G. Gurbansähedow).

**HOTURDAMAKLYK** [hoturdomokluk], *iş ady.* Hoturdamak ýagdaýy.

**HOTURDAŞMAK** [hoturdoşmok], *işl.* Hoturdap başlamak, hoturdyly seslenişmek.

**HOTURDATMAK** [hoturdotmok], *işl.* Hoturdyly ses etdirmek, hoturdyly seslendirmek.

**HOTURDAÝYŞ** [hoturdoýuş], *iş ady.* Hoturdamak ýagdaýy.

**HOTURDY**, *at.* Ýüzi gaýmaklap duran şor ýerden, doňan garyň üstünden we ş.m. ýerlerden ýörelende çykýan sesiň ady. *Gijäniň ümsümliginde bir hoturdy eşidildi.*

**HOW** [ho:w] **I**, Aýdylýan pikiri has nygtamak, takyklamak üçin ″ahyry, ahyryn, ahbetin″ manysynda ulanylýan güýçlendiriji bölek. *Batyr tapylgysyz ýigit how!*

**HOW** [ho:w] **II**, Birine ýüzlenmegi aňladýan ümlük. *How, galandarlar, siziň geregiňiz galla bolsa, ýüküňizi tutarys* (″Görogly″). *How, adamlar, ony bir görseňizläň!* (B. Soltannyýazow).

**HOW: howuny almak** gylawyny, badyny gaçyrmak, sussuny basmak. *Şol ajy oýlar arçynyň howuny aldy* (B. Kerbabaýew). **Howuny basmak (ýatyrmak)** hyjuwyny, badyny gowşatmak; ruhy joşgunyny peseltmek. *Şol garaýyş bu sapar onuň howuny basdy*

(B. Kerbabaýew). *Ýakymsyz habar jemendäniň howuny basdy* (G. Kulyýew).

**HOWA** [howa:], *at.* **1**. Ýeriň daşky giňişlik gurşawyny düzýän, esasan, adamyň, haýwanyň, ösümligiň ýaşaýşy üçin gerekli azot we kisloroddan ybarat gazlaryň garyndysy. *Yssy hem-de hapa howa.* **2**. Ýeriň ýüzüne ýazylyp gidýän giň boşluk, älem, jahan. *Howa ýagtylyp başlady* (B. Kerbabaýew).

◊ **Howa gämisi** uçar. **Howa menzili** *ser*. **Aeroport** we **aerowokzal**. **Howasy belent** özünden göwni hoş, ruhy belent, keýpi kök. **Bir howa** biraz, birneme, bir salym dowam edýän. *Garaz, oba adamlaryna bir howa gürrüň edere, kelle döwere zat tapyldy* (A. Gowşudow).

**HOWALA** [howa:la], *at.* Hyýal, meýil, bat, ruhy joşgun.

◊ **Howalasyny basmak (ýatyrmak)** *ser*. **Howuny basmak**.

**HOWALAMA** [howa:lama], *iş ady.* Howalamak ýagdaýy.

**HOWALAMAK** [howa:lamak], *işl., ser.* **Howalanmak**. *Dilkaw-dilkaw daşly Köpetdag ilerde howalap dur.*

**HOWALANMA** [howa:lanma], *iş ady.* Howalanmak ýagdaýy.

**HOWALANMAK** [howa:lanmak], *işl.* **1**. Uzakdan beýgelip görünmek, seleňlemek. *Ýoluň sag tarapynda bir beýik çynar howalanyp otyrdy* (G. Kulyýew). **2**. *göç.m.* Ruhuň göterilmek, hyjuwlanmak, hyýallanmak. *Talandy ömrüm, talandy, Şum rakyplar howalandy. Bat ösdi, bulut aýlandy, Belent daglar duman boldy* ("Şasenem – Garyp").

**HOWALANMAKLYK** [howa:lanmaklyk], *iş ady.* Howalanmak ýagdaýy.

**HOWALANYŞ** [howa:lanyş], *iş ady.* Howalanmak ýagdaýy.

**HOWALAÝYŞ** [howa:laýyş], *iş ady.* Howalamak ýagdaýy.

**HOWALY** [howa:ly], *syp.* **1**. Gowy howasy bolan. *Bilbil hüjüm eýlän howaly baglar, Bilbil senden geçer, pygan eglenmez* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Ruhy belent, hyjuwly, batly, haýbatly. *Öwez jan howaly Gyratyny münüp gitdi* ("Görogly").

**HOWALYLYK** [howa:lylyk], *at.* **1**. Gowy howasy barlyk. **2**. Ruhybelentlik, hyjuwlylyk, batlylyk, haýbatlylyk; badyhowalylyk.

**HOWANDAR** [howonna:r], *at.* Ýakyn garyndaş, hossar, ýoldaş, arkadaýanç. *Ýigidiň ady tutular, Gardaş, howandar biläni* (Mollanepes).

**HOWANDARLYK** [howonna:rlyk], *at.* Ýakyn garyndaşlyk, ýoldaşlyk, hossarlyk, howandaryň ýagdaýy.

**HOWATYR** [howa:ty:r], *at.* Bir zatdan edilýän gorky, howsala, ätiýaç. *Şondan howatyr eden Hojamberdi häzirlikçe dymdy* (R. Gelenow).

**HOWATYRLANDYRMAK** [howa:ty:rlannyrmak], *işl.* Howatyr etdirmek, bir zatdan çekindirmek, ätiýaç etdirmek. *Bu nebitçileri biraz howatyrlandyrman durup bilmedi* (Ş. Borjakow). *Gurluşykçylary bu ýagdaý howatyrlandyrdy* (N. Baýramow).

**HOWATYRLANMA** [howa:ty:rlanma], *iş ady.* Howatyrlanmak ýagdaýy.

**HOWATYRLANMAK** [howa:ty:rlanmak], *işl.* Birinden ýa-da bir zatdan howatyr etmek, howatyrly bolmak. *Bir zady basyp, ala-şakyrdy etmekden howatyrlanyp, ýuwaşlyk bilen ýerine geçdi* (O. Ödäýew).

**HOWATYRLANMAKLYK** [howa:ty:rlanmaklyk], *iş ady.* Howatyrlanmak ýagdaýy.

**HOWATYRLANYBERMEK** [howa:ty:rlanyvermek], *işl.* Birinden ýa-da bir zatdan howatyr edip ugramak.

**HOWATYRLANYŞ** [howa:ty:rlanyş], *iş ady.* Howatyrlanmak ýagdaýy.

**HOWATYRLY** [howa:ty:rly], *syp.* Howatyr, gorky edilýän, gorkuly, wehimli. *Ol eýýäm özi urlup barýan ýaly howatyrly gürledi* (G. Ezizow).

**HOWATYRSYZ** [howa:ty:rsyz], *syp.* Howatyr, gorky edilmeýän, howsalasyz, gorkusyz, wehimsiz. *Kesejeli gaňňa Çerkezi howatyrsyz, howpsuz, ynjytman saklaýardy* (B. Kerbabaýew).

**HOWAÝY** [howa:ýy], *syp.* Boş, biderek, manysyz, ýalan (gep, gürrüň we ş.m. hakynda).

**HOWDAN** [howda:n], *at.* Suw ýygnalýan we düzgünleşdirilýän köl ýaly uly we giň emeli howuz.

**HOWLABERMEK** [howla:vermek], *işl.* Howsala düşübermek, darygybermek.

**HOWLAMA** [howlomo], *iş ady.* Howlamak ýagdaýy.

**HOWLAMAK** [howlomok] **I**, *işl.* **1**. Howsala düşmek, darykmak. *Onuň näme üçindir ýüregi howlap, daş çykyp gidiberesi geldi* (A. Gowşudow). **2**. *gepl.d.* Howlukmak, gyssanmak. *Sen nämä howlaýaň?*

**HOWLAMAK** [howlomok] **II**, *işl.* How-how edip üýrmek (it hakynda).

**HOWLAMAKLYK** [howlomokluk], **I**, **II**, *iş ady.* Howlamak ýagdaýy.

**HOWLAŞMAK** [howloşmok] **II**, *işl.* **1**. Birnäçe adam howlamak. *Hiç bir zat ýok ýerden howlaşyp barmaň!*

**HOWLAŞMAK** [howloşmok] **I**, *işl.* Birnäçe it how-how edip üýrmek. *Köpekler howlaşyp, maşyny çopanyň ýanyna alyp geldiler* (B. Kerbabaýew).

**HOWLAÝYŞ** [howloýuş], **I**, **II**, *iş ady.* Howlamak ýagdaýy.

**HOWLUDAŞ** [howludoş], *syp.* Ýaşaýan howlulary bir.

**HOWLUDAŞLYK** [howludoşluk], *at.* Howludaş bolup ýaşamaklyk.

**HOWLUGYBERMEK** [howluğuvermek], *işl.* Bir zady ýerine ýetirjek bolup gyssanybermek, howlugyp başlamak.

**HOWLUGYLMAK** [howluğulmok], *işl.* Bir zat ediljek bolnup gyssanylmak. *Bu ýerde-de howlugylýardy* (A. Nazarow).

**HOWLUGYŞ** [howluğuş], *iş ady.* Howlukmak ýagdaýy.

**HOWLUGYŞMAK** [howluğuşmok], *işl.* Birden köp bolup howlukmak. *Olar nirädir bir ýere howlugyşyp barýardylar.*

**HOWLUKDYRMAK** [howlukdurmok], *işl.* Howlukmaga mejbur etmek, gyssamak. *Aýnur eje Aýdurdyny howlukdyrdy* (N. Pomma).

**HOWLUKMA** [howlukmo], *iş ady.* Howlukmak ýagdaýy.

**HOWLUKMAÇ** [howlukmoç], *hal.* Gyssagly ýagdaýda, gyssanmaç. *Ol howlukmaç çykyp gitdi*.

**HOWLUKMAÇLYK** [howlukmoşluk], *at.* Gyssagly ýagdaýda bolmaklyk, gyssaglylyk, gyssanmaçlyk.

**HOWLUKMAK** [howlukmok], *işl.* Bir işi ýerine ýetirjek bolup gyssanmak, alňasamak.

**HOWLUKMAKLYK** [howlukmokluk], *iş ady.* Howlukmak ýagdaýy.

**HOWLY**, *at.***1**.Töweregine haýat, diwar aýlanan ýörite ýer, jaý. **2**. Aýratyn hojalyk ýa-da hojalyga degişli zatlar üçin niýetlenip, daşyna haýat aýlanan ýer.

**HOWP**, *at.* Üstüňe abanyp duran ýa-da ýetip gelýän gorkuly ýagdaý, gorky, wehim, hatar.

◊ **Howp etmek** *ser.* **Howp salmak. Howp salmak** üstüňe bela abanmak, gorkuly ýagdaý döremek.

**HOWP-HATAR**, *at, ser.* **Howp**.

**HOWPLANMA** [howplonmo], *iş ady.* Howplanmak ýagdaýy.

**HOWPLANMAK** [howplonmok], *işl., gepl.d.* Howpa, howsala düşmek, howp etmek, howpurgamak. *Işim gaýtdy – diýip howplanýar* ("Görogly").

**HOWPLANMAKLYK** [howplonmokluk], *iş ady.* Howplanmak ýagdaýy.

**HOWPLANYŞ** [howplonuş], *iş ady.* Howplanmak ýagdaýy.

**HOWPLULYK** [howpluluk], *at.* Howply ýagdaýda bolmaklyk, howp abanmaklyk, gorkulylyk, wehimlilik. *Men eger ýalňyşýan bolmasam, munuň hezili hem şol çylşyrymlylygynda, howplulygynda, kynlygynda* (B. Kerbabaýew).

**HOWPLY**, *syp.* Howp salyp biljek, gorkuly, wehimli, hatarly. *Howply iş*.

**HOWPSUZ**, *syp.* Hiç hili howp salmaýan, gorkusyz, wehimsiz, hatarsyz.

**HOWPSUZLANDYRMAK** [howpsuzlonnurmok], *işl.* Abanýan howpy sowmak, howp salmaz ýaly etmek.

**HOWPSUZLANMAK** [howpsuzlonmok], *işl.* Howply ýagdaý sowulmak, howpsuz edilmek, wehimsiz bolmak.

**HOWPSUZLYK** [howpsuzluk], *işl.* Howply ýagdaý bolmazlyk, hatarsyzlyk, wehimsizlik.

**HOWPURGABERMEK** [howpurğa:vermek], *işl.* Kalbyňa howp, gorky duýgusy aralaşybermek.

**HOWPURGAMA** [howpurğomo], *iş ady.* Howpurgamak ýagdaýy.

**HOWPURGAMAK** [howpurğomok], *işl.* Kalbyňa gorky, howp duýgusy aralaşmak, gorkup allaniçiksi bolmak. *Gülruh eje eden pikirine howpurgady, ojakda şatyrdap ýanýan oda seretdi* (O. Ödäýew).

**HOWPURGAMAKLYK** [howpurğomokluk], *iş ady.* Howpurgamak ýagdaýy.

**HOWPURGAŞMAK** [howpurğoşmok], *işl.* Birnäçe bolup howpurgamak; howpurgap başlamak.

**HOWPURGAÝYŞ** [howpurğoýuş], *iş ady.* Howpurgamak ýagdaýy.

**HOWRY**, *at,deňizç.* Taýmyl sürülýän kürek. *Howryňy berk tutgun, taýmylçy dostum, Goý ýene görülsin seniň kuwwatyň* (Ş. Borjakow).

**HOWSALA** [howsolo], *at.* Aladaly, ynjalyksyz ýagdaý, aljyraňňy ýagdaý. *Ol öz ýüregini howsala aldyrmady, göwrümini giň tutdy* (B. Kerbabaýew).

◊ **Howsala düşmek** howp, gorky aladasy aralaşmak, dowla düşmek. *Ondan bäri hepde geçdi, aý geçdi, Gyzyň ýüregine howsala düşdi* (A. Kekilow). **Howsala salmak** howp, gorky döretmek, dowul döretmek, wehim salmak. *Barha güýçlenip barýan ýel olary howsala salypdy* (A. Gowşudow).

**HOWSALAÇY** [howsoloçy], *syp.* Howsala düşegen, howsala, dowul döredýän. *Ol howsalaçy adamdy*.

**HOWSALAÇYL** [howsoloçul], *syp., ser.***Howsalaçy**.

**HOWSALAÇYLLYK** [howsoloçulluk], *at.* Howsala düşegenlik.

**HOWSALAÇYLYK** [howsoloçuluk], *at.* Howsala, dowul döredijilik, howsalaçy bolujylyk. *Ýöne sen öz howsalaçylygyň bilen meniň hem ganymy tas gyzdyrypdyň* (N. Saryhanow).

**HOWSALALANDYRMAK** [howsololonnurmok], *işl.* Howsala salmak, howsala düşürmek. *Bu ýagdaý ony öňküden hem beter howsalalandyrdy*.

**HOWSALALANMA** [howsololonmo], *iş ady.* Howsalalanmak ýagdaýy.

**HOWSALALANMAK** [howsololonmok], *işl.* Howsala düşmek, gorky, dowul aralaşan ýagdaýynda bolmak, howatyrlanmak. *Ol howsalalanyp başlady* (B. Gurbanow).

**HOWSALALANYŞ** [howsololonuş], *iş ady.* Howsalalanmak ýagdaýy.

**HOWSALALY** [howsololy], *syp.* Howsala düşen, gorky astynda bolan, howatyrly.– *Onda näme iş etmeli bolarys ahyry? – diýip, Gutlymyrat howsalaly ses bilen sorag berdi* (A. Gowşudow).

**HOWSALALYLYK** [howsolololuk], *at.* Howsala, dowla düşen halda bolmaklyk, howatyrly ýagdaý. *Gurbandursun öz boýdaşlaryna howsalalylyk bilen habar berdi* (B. Gurbanow).

**HOWSALASYZ** [howsolosuz], *syp.* Howsala düşmedik, arkaýyn.

**HOWUL**, *at.* Adamyň kalbyna düşýän howsala, ynjalykdan aýyrýan duýgy. *Meniň bu ýerde oturyp kararym ýetenok, içim howul alyberýär* (B. Seýtäkow).

◊ **Howul bela**, **howul bela**, **başymyzdan sowul bela!** tupan, tüweleý we ş.m. zyýansyz geçsin diýlip edilýän dileg (köplenç, aýallar tarapyndan aýdylýar).

**HOWUL-HALAT** [howul-ha:lat], *hal, ser.* **Howul-hara**. *Esger haty howul-halat okady-da, kisesine saldy* (A. Nazarow).

**HOWUL-HALATLYK** [howul-ha:latlyk], *at,ser.* **Howul-haralyk**. *Ol onuň pyçakdygyny duýdy we haçan duşmanyň bir pulemýotyny alyp, ony olaryň özlerine garşy atmaga başlanda, howul-halatlykda çermegine gysdyrany ýadyna düşdi* (A. Gowşudow).

**HOWUL-HARA** [howul-ha:ra], *hal.* Howul-halat, hasyr-husur, gyssanmaç, howlukmaç. *Ol bir topar düşnüksiz zatlary hüňürdäp, howul-hara eşiklerini geýmäge başlady* (T. Gurbanow).

**HOWUL-HARALYK** [howul-ha:ralyk], *at.* Howul-hara pursat, gyssagly ýagdaý.

**HOWUR**, *at.* Ýanýan oduň, gyzgynlyk berýän jisimiň töwerege güýçli täsir edýän ýylylyk derejesi. *Geýip egin-başyn ýerinden galdy, Gün howry gaçypdy ýola düşende* (A. Kekilow).

**HOWURLY**, *syp.* Howur çykarýan, ýaýradýan, howry bar bolan.

**HOWUT**, *at.* Düýä ýük urmak üçin salynýan ýörite ýasalan hataply enjam. *Ol düýäni çökerip, howudyny saldy.*

**HOWUTÇY**, *at.* Howut ýasaýan adam, howut ussasy.

**HOWUTÇYLYK** [howutçuluk], *at.* Howut ýasamak käri.

**HOWUTLABERMEK** [howutla:vermek], *işl.* Düýelere howut salybermek.

**HOWUTLAMA** [howutlomo], *iş ady.* Howutlamak ýagdaýy.

**HOWUTLAMAK** [howutlomok], *işl.* Düýäniň arkasyna halyk atyp, howut salyp çemmerini çekmek, howut salmak. *Bäş-alty ineri howutlap, Genjim kakasynyň ýanyna gidiberdi* ("Görogly").

**HOWUTLAMAKLYK** [howutlomokluk], *iş ady.* Howutlamak ýagdaýy.

**HOWUTLAŞDYRMAK** [howutloşdurmok], *işl.* Bir ýanyndan howutlap başlamak.

**HOWUTLAŞMAK** [howutloşmok], *işl.* Howut salyşmak, howut salmaga kömek etmek. *Men oňa düýeleri howutlaşdym.*

**HOWUTLATDYRMAK** [howutlotdurmok], *işl.* Birine howut salmaga kömek etdirmek, birine howut saldyrtmak. *Düýäni howutlatdyrmak.*

**HOWUTLATMAK** [howutlotmok], *işl.* Birine howut saldyrmak. *Ineri howutlatmak.*

**HOWUTLAÝYŞ** [howutloýuş], *iş ady.* Howutlamak ýagdaýy.

**HOWUTLYK** [howutluk], *syp.* Howut tikmek, howut etmek üçin niýetlenen. *Howutlyk gulaç.*

**HOWUZ**, *at.* Suw saklamak üçin ýörite gazylyp içi suwalan suw desgasy. *Çeşmeden syzyp çykýan suw özüne kiçiräk bir meýdança tapyp, kiçijik bir howuz emele getiripdir* (A. Gowşudow).

**HOWUZÇA** [howuzço], *at.* Kiçiräk howuz.

**HOZ** [ho:z], *at.* **1**. Daşy gaty gabykly, şahalak uly agaç. *Ol ullakan hoz agajynyň aşagyna baryp aýak çekdi* (G. Kulyýew). **2**. Şol agajyň gaty gabykly, içi öýjük-öýjük maňyzly miwesi. *Hozuň daş gabygyn, gülälek suwun, Garyp saça çalsaň, gara reň bolar* (Magtymguly).

**HOZA** [ho:zo], *at. zergärç.* Içinden sapak geçirer ýaly iki ýan tarapy turbalyja hoz görnüşli kümüş şaý.

**HOZANAK** [hozonok], *at.* Garamtyl-ýaşyl ganatly, hozzuldap sesli uçýan tomzak görnüşli möjejik.

◊ **Hozanak bolmak** biriniň göwnüni aldamak üçin yhlas bildirmek, birine hyzmat etmek, daşynda pyrlanmak, hozanaklamak. *Çagajyklar kakalarynyň daşynda hozanak bolýarlar* ("Edebiýat we sungat").

**HOZANAKLABERMEK** [hozonokla:vermek], *işl.* Biriniň ýa-da bir zadyň daşynda hozanak bolubermek, aýlanybermek.

**HOZANAKLAMA** [hozonoklomo], *iş ady.* Hozanaklamak ýagdaýy.

**HOZANAKLAMAK** [hozonoklomok], *işl.* Biriniň ýa-da bir zadyň daşynda hozanak bolmak, pyrlanmak, yhlas bilen hormat etmek. *Aknabat eje begenjinden "bolar, oglum" diýip hozanaklap gitdi* (A. Durdyýew).

**HOZANAKLAMAKLYK** [hozonoklomokluk], *iş ady.* Hozanaklamak ýagdaýy.

**HOZANAKLAŞMAK** [hozonokloşmok], *işl.* Köp bolup hozanaklamak. *Birnäçe adam onuň daşynda hozanaklaşyp ýördi.*

**HOZANAKLATMAK** [hozonoklotmok], *işl.* Birini hozanaklar ýaly etmek. *Men ony daşymda hozanakladaýsam nädersiň!*

**HOZANAKLAÝYŞ** [hozonokloýuş], *iş ady.* Hozanaklamak ýagdaýy.

**HOZLUK** [ho:zluk], *at.* Hoz agajynyň köp gögerip oturan ýeri. *Hozluk dere.*

**HOZZULDABERMEK** [hozzulla:vermek], *işl.* Hozzuldap başlamak.

**HOZZULDAMA** [hozzullomo], *iş ady.* Hozzuldamak ýagdaýy.

**HOZZULDAMAK** [hozzullomok], *işl.* Hozzuldyly seslenmek, hozzuldyly ses etmek. *Hozanak çyranyň daşyndan hozzuldap aýlanýardy.*

**HOZZULDAMAKLYK** [hozzullomokluk], *iş ady.* Hozzuldamak ýagdaýy.

**HOZZULDAŞMAK** [hozzulloşmok], *işl.* Köp bolup hozzuldamak.

**HOZZULDATMAK** [hozzullotmok], *işl.* Hozzuldyly ses etdirmek. *Ol motoryny hozzuldadyp geçip gitdi.*

**HOZZULDAÝYŞ** [hozzulloýuş], *iş ady.* Hozzuldamak ýagdaýy.

**HOZZULDY** [hozzully], *at.* Hozanak we ş.m. uçanda çykýan sesiň ady.

**HÖÇJET** [höçjöt], *syp.* Keçjal, dikdüşdi, kesir. *Gör, bu nähili höçjet! Höçjet çaga.*

**HÖÇJETLIK** [höçjötlük], *at.* Keçjallyk, dikdüşdülik, kesirlik, höçjediň ýagdaýy. *Nätjek, enemiň höçjetligi, bir diýen ýerini depip durmagy maňa sypynç bermedi* (R. Gelenow). *Höçjetlik etmek.*

**HÖDÜR**, *at.* Esasan iýilýän-içilýän zady ýanyňda oturana "al, iý, iç" diýlip edilýän mürähet, hödür-kerem. *Uzakdan gel, ýakyndan gel, parhy ýok, türkmeniň ilki hödüri gök çaýdyr* ("Edebiýat we sungat").

**HÖDÜR-KEREM**, *at, ser.* **Hödür**. *Hödür-kereme garaşýan ýok* ("Görogly"). *Baharyň hödür-kereminden özüçe many çykaryp, Wüşi kel özüne göwnüýetijilik bilen oturgyçda oturdy* (A. Gowşudow).

**HÖDÜRLEME** [hödürlömö], *iş ady.* Hödürlemek ýagdaýy.

**HÖDÜRLEMEK** [hödürlömök], *işl.* **1**. Ýanyňdaky adama "al iý, iç" diýip, nahar iýmegini, çaý içmegini teklip etmek, soramak, hödür etmek. *Myhmana çaý hödürlemek.* **2**. Birine bir zady almagy, kabul etmegi maslahat bermek, ündemek.

**HÖDÜRLEMEKLIK** [hödürlömöklük], *iş ady.* Hödürlemek ýagdaýy.

**HÖDÜRLENMEK** [hödürlönmök], *işl.* Hödür edilmek. *Ol özüne hödürlenen çäýnegi öňüne çekdi.*

**HÖDÜRLEÝIŞ** [hödürlöýüş], *iş ady.* Hödürlemek ýagdaýy.

**HÖDÜRNAMA** [hödürlömök], at. *Kimdir birni işe hödürlemek üçin ýazylýan hat* (*ser.* **Hödürlemek 2**.).

**HÖJEK** [höjök], *at, gelp. d.* Göle. *Toý güni gurarlar kejebe, Ýüzüň meňzär çal höjege* (Talyby).

**HÖKGERILMEK** [hökgörülmök], *işl.,ser.* **Hökgermek**.

**HÖKGERIŞ** [hökgörüş], *iş ady.* Hökgermek ýagdaýy.

**HÖKGERME** [hökgörmö], *iş ady.* Hökgermek ýagdaýy.

**HÖKGERMEK** [hökgörmök], *işl., gepl. d.* Tümmerip durmak, tüňňermek, güberilmek. *Ýagyrnysy bir azajyk hökgerip görünýän Ýagşymyrat sahna çykanda hemmeler oňa seredişdiler* (B. Seýtäkow).

**HÖKGERMEKLIK** [hökgörmöklük], *iş ady.* Hökgermek ýagdaýy.

**HÖKGERTMEK** [hökgörtmök], *işl.* Tümmertmek, tüňňermek, gübertmek.

**HÖKMAN** [hökma:n], *hal.* Gepsiz-gürrüňsiz ýerine ýetirmeli, edilmeli, amala asyrmaly, gitmeli, okamaly, bilmeli, bolmaly we ş.m. *Men hökman ony görerin. Ol hökman bize gelsin. Saňa hökman gyzyl mata gerekmi?*

**HÖKMANY** [hökma:ny], *syp.* Ýerine ýetirilmegi, amala aşyrylmagy hökman bolan.

**HÖKMÜNDE** [hökmünnö], *köm. s.* Biriniň ýa-da bir zadyň dereginde, ornunda, hasabynda. *Gollanma hökmünde peýdalanmak.*

**HÖKMÜROWAN** [hökmürowa:n], *syp.* Hökümi, aýdan-diýeni ýerine ýetirilýän, diýeni bolýan.

**HÖKMÜROWANLYK** [hökmürowa:nlyk], *at.* Hökümi, aýdan-diýeni ýerine ýetirilýänlik ýagdaýda bolmaklyk.

**HÖKÜDIK-HÖKÜDIK** [hököküdük-hökküdük]: **hökküdik-hökküdik etmek** höküdikläp ýöremek, höküdikläp barmak.

**HÖKÜDIKLEME** [hököküdüklömö], *iş ady.* Höküdiklemek ýagdaýy.

**HÖKÜDIKLEMEK** [höküdüklömök], *işl.* Her ädim ädeňde göwräňi öňe tarap hereketlendirip, tagaşyksyz ýöremek, hoňkudyklamak. *Raýyşyň düýbünden hökkiädikläp ylgap barýan büdrän ýaly sessiz-üýnsüz ýykyldy-da, gymyldysyz süýnüp galdy* (N. Jumaýew).

**HÖKÜDIKLEMEKLIK** [höküdüklömöklük], *iş ady.* Höküdiklemek ýagdaýy.

**HÖKÜDIKLEŞMEK** [höküdüklöşmök], *işl.* Birnäçe bolup höküdiklemek. *Olar gyssanmaç höküdikleşip barýardylar*.

**HÖKÜDIKLEÝIŞ** [hökūdüklöýüş], *iş ady.* Hökūdiklemek ýagdaýy.

**HÖKÜM**, *at.* **1**. Bir işiň hökman ýerine ýetirilmegi hakda berilýän buýruk. – *Dumly-duşy barlaň, eger ol ýere giren hem bolsa tapyň! – diýip hököm etdi* (A. Gowşudow). **2**. Häkimiýet edarasynyň resmi buýrugy, perman. **3**. Jenaýat işleri boýunça kazyýetiň çykarýan karary. *Kazyýetiň hökümi.*

◊ **Hököm sürmek 1)** bir ýurduň ýa-da bir halkyň üstünden agalyk etmek. **2)** hojaýynlyk etmek. **3)** parahatlyk, asudalyk we ş.m. ýagdaýlar agdyklyk etmek. *Jemgyýetde goňşusyna kömek etmek duýgusy hököm sürýän bolsa, onda bu milletiň ahlak taýdan sagdynlygyna şaýatlyk edýär* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr").

**HÖKÜMDAR** [hökümda:r], *at.* Çäksiz ýa-da ýokary häkim, hököm berýän adam.

**HÖKÜMDARLYK** [hökümda:rlyk], *at.* Hököm sürmeklik, agalyk etmeklik, hökümdaryň ýagdaýy.

**HÖKÜMET** [hökümöt], *at.* Döwlet häkimiýetiniň gönüden-göni döwleti dolandyrmaklygy amala aşyrýan buýruk çykaryjy we ýerine ýetiriji ýokary edarasy.

**HÖKÜMETARA** [hökümöta:ra], *syp.* Hökümetler arasynda alnyp barylýan, amala aşyrylýan. *Hökümetara ylalaşyk.*

**HÖKÜMETLEŞIŞ** [hökümötlöşüş], *iş ady.* Hökümetleşmek ýagdaýy.

**HÖKÜMETLEŞME** [hökümötlöşmö], *iş ady.* Hökümetleşmek ýagdaýy.

**HÖKÜMETLEŞMEK** [hökümötlöşmök], *işl., gepl.d.* Biri bilen ýüze çykan dawaly işi, meseläni çözmek üçin hökümet edaralaryna ýüzlenmek.

**HÖKÜR**, *syp.* Boýny iki egniniň içine gidip duran. *Şol gelensoň, dat günüňe, Dat günüňe, hökür mama* (K. Gurbannepesow)..

**HÖKÜRRÄK** [hökürrä:k], *syp.* Biraz hökür. *Onuň boýny gysgady, bu bolsa ony bir hili hökürräk görkezýärdi.*

**HÖLT-HÖLT**, *s. ş. aňl. söz.* Tagaşyksyz uly ädimläp, ylgaşlap ýörelende emele gelýän şekil**.**

◊ **Hölt-hölt etmek**. *ser.* **Höltüldemek**.

**HÖLTÜLDEME** [höltüllömö], *iş ady.* Höltüldemek ýagdaýy.

**HÖLTÜLDEMEK** [höltüllömök], *işl.* Hölt-hölt edip tagaşyksyz uly ädimläp, ylgaşlap ýöremek, halt-halt etmek. *Öýden çykanyndan höltüldäp gaçyp ugrady* (T. Gurbanow).

**HÖLTÜLDEMEKLIK** [höltüllömöklük], *iş ady.* Höltüldemek ýagdaýy.

**HÖLTÜLDEŞMEK** [höltüllöşmök], *işl.* Köp bolup höltüldäp ýörmek.

**HÖLTÜLDEÝIŞ** [höltüllöýüş], *iş ady.* Höltüldemek ýagdaýy.

**HÖŇK-HÖŇK**, *s. ş. aňl. söz.* Göwresini dik tutup bilmeýän ýaly, tagaşyksyz loňk-loňk edip, ylgabrak gidilende emele gelýän şekil.

◊ **Hönk-höňk etmek** *ser.* **Höňküldemek**.

**HÖŇKÜLDEME** [höňküllömö], *iş ady.* Höňküldemek ýagdaýy.

**HÖŇKÜLDEMEK** [höňküllömök], *işl.* Göwresini dik tutup bilmeýän ýaly, tagaşyksyz loňk-loňk edip, ylgabrak gitmek.

**HÖŇKÜLDEMEKLIK** [höňküllömöklük], *iş ady.* Höňküldemek ýagdaýy.

**HÖŇKÜLDEŞMEK** [höňküllöşmök], *işl.* Birnäçe bolup höňküldemek.

**HÖRDEM-HÖP** [hördöm-höp], *hal, gepl. d., ser.* **Hörden-höp.**

**HÖRDEN-HÖP** [hördön-höp], *hal, gepl. d.* El ujundan çalak-çulak edilen (iş hakynda). *Hörden-höp edilen iş.*

**HÖRE-HÖRE** [hörö-hörö], *üml.*, Köşek ýanyňa çagyrylanda aýdylýar.

**HÖREK** [hörök], *at.* Iýilýän her hili iýmit, nahar, owkat.

**HÖRE-KÖŞE** [hö:rö-kö:şö], *at.* Köşeşdiriji, rahatlandyryjy mylaýym, ýakymly, hoşamaý sözler. *Hallygara seniň höre-köşäňe mätäç adam däl* (S. Myradow).

◊ **Höre-köşe** [hö:rö-kö:şö]: **höre-köşe etmek** köşeşdiriji sözler aýdyp rahatlandyrmak.

**HÖRE-KÖŞELEME** [hö:rö-kö:şölömö], *iş ady.* Höre-köşelemek ýagdaýy.

**HÖRE-KÖŞELEMEK** [hö:rö-kö:şölömök], *işl.* Höre-köşe edip köşeşdirmek, mylaýym, ýakymly, hoşamaý sözler aýtmak, höre-köşe etmek. *Seni mydama höre-köşeläp işletmelimi?*

**HÖRELE** [hörölö], *üml.* Sarç düýe saglanda ýa-da köşegi aldyryljak bolnanda hoşamaýlyk üçin aýdylýan söz. *Hörele düýäm, hörele!*

**HÖRELE-HÖRELE** [hörölö-hörölo], *üml.,ser.* **Hörele**.

**HÖRELEME** [hörölömo], *iş ady.* Hörelemek ýagdaýy.

**HÖRELEMEK** [hörölömok], *işl.* Hörele-hörele diýip, köşegini almaýan düýä mylaýym, hoşamaý söz aýtmak.

**HÖRELEMEKLIK** [hörölömoklük], *iş ady.* Hörelemek ýagdaýy.

**HÖRELEÝIŞ** [hörölöýüş], *iş ady.* Hörelemek ýagdaýy.

**HÖRP**, *at.* Adamyň öz göwün islegine görä boluş, özüni tutuş ýagdaýy. *Ba, hörpi ýaman ýokardan tutduňla!* (B. Kerbabaýew). *Men ilki onuň hörpüni aňmasam bolmaz.*

**HÖŞK**, *syp.* Gurap galan, gury, gatan. *Niçeler, hesretde tapyp höşk nany, Bir lezzetli tagam dişine degmez* (Magtymguly).

**HÖTDE** [hötdö]**: hötde gelmek** bir işiň, ýagdaýyň we ş.m. alajyny tapyp, ony başarmak, ýerine ýetirip, amala aşyryp bilmek.

**HÖTJET** [hötjöt], *syp., ser.* **Höçjet**. *Men onuň hötjetdigini owaldan bilýärdim* (N. Pomma).

**HÖTJETLIK** [hötjötlük], *at, ser.* **Höçjetlik**. *Hötjetlik etmek.*

**HÖW**, *üml.* Sygyr kowlanda aýdylýan söz.

**HÖWES** [höwös], *at.* Bir zada bolan isleg, arzuw, göwün göteriliş. *Höwes bilen okamak.*

◊ **Höwes bildirmek** bir zady almaga ýa-da bir işi etmäge we ş.m. höwesiňi, islegiňi äşgär etmek. **Höwes etmek** bir zadyň arzuwynda bolmak.

**HÖWESEK** [höwösök], *syp., ser.* **Höwesli**. *Işe höwesek ýapyşmaly.*

**HÖWESEKLIK** [höwösöklük], *at, ser.* **Höweslilik**.

**HÖWESGÄR** [höwösğä:r], *syp., ser.* **Höwesli**.

**HÖWESGÄRLIK** [höwösğä:rlik], *at, ser.* **Höweslilik**.

**HÖWESJEŇ** [höwösjöň], *syp., ser.* **Höwesli**. *Şoňa meni iberiň diýsem, belki, garşy bolmazdylar – şol ýana höwesjeň onçakly köp däldi* (B. Kerbabaýew). *Birdenem ol ýere gitmäge höwesjeň çopanyň ýoklugy ýüze çykdy* ("Edebiýat we sungat").

**HÖWESJEŇLIK** [höwösjöňlük], *at, ser.* **Höweslilik**.

◊ **Çeper höwesjeňlik** öz güýjüňe daýanyp, sazandalar ýa-da aýdymçylar toparyny döretmeklik, saza, aýdyma höwesjeň adamlaryň başlangyjy.

**HÖWESJEŇRÄK** [höwösjöňürä:k], *syp.* Az-kem höwesli.

**HÖWESLENDIRIJI** [höwöslönnürüjü], *syp.* Höwes dörediji. *Höweslendiriji baýrak.*

**HÖWESLENDIRILMEK** [höwöslönnürülmök], *işl.* Makullamak, sylaglamak, ýardam etmek, duýgudaşlyk bildirmek arkaly öňküsinden gowy etmäge bolan isleg oýarylmak, höwes döredilmek. *Önüm öndürýänler we telekeçiler yzygiderli höweslendiriler* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr").

**HÖWESLENDIRIŞ** [höwöslönnürüş], *iş ady.* Höweslendirmek ýagdaýy.

**HÖWESLENDIRME** [höwöslönnürmö], *iş ady.* Höweslendirmek ýagdaýy.

**HÖWESLENDIRMEK** [höwöslönnürmök], *işl.* Makullamak, sylaglamak, ýardam etmek, duýgudaşlyk bildirmek arkaly öňküsinden gowy etmäge bolan islegi oýarmak, höwes döretmek.

**HÖWESLENDIRMEKLIK** [höwöslönnürmöklük], *iş ady.* Höweslendirmek ýagdaýy.

**HÖWESLENIŞ** [höwöslönüş], *iş ady.* Höweslenmek ýagdaýy.

**HÖWESLENME** [höwöslönmö], *iş ady.* Höweslenmek ýagdaýy.

**HÖWESLENMEK** [höwöslönmök], *işl.* Bir zada höwesli bolmak; höwes, isleg döremek. *Okuwa höweslenmek.*

**HÖWESLENMEKLIK** [höwöslönmöklük], *iş ady.* Höweslenmek ýagdaýy.

**HÖWESLI** [höwöslü], *syp.* Bir zada höwes bildirýän, höwesi, isleg-arzuwy bar bolan, höwesjeň, höwesgär. *Okamaga höwesli*.

**HÖWESLILIK** [höwöslülük], *at.* Höwesi barlyk, höwesli bolmaklyk.

**HÖWESSIZ** [höwössüz], *syp.* Hiç zada höwesi ýok, höwesli däl. *Höwessiz işlemek bolmaz.*

**HÖWESSIZLIK** [höwössüzlük], *at.* Hiç zada höwesi ýokluk, höwesi bolmazlyk.

**HÖWLÜM-HÖWLÜM**, *üml.* Sygyr sagyljak ýa-da gölesi aldyryljak bolnanda, söýlüp aýdylýan söz. *Ejesi bolsa "höwlüm-höwlüm" diýip, göläni tutup, sygra ýaladýar* (A. Durdyýew).

**HÖWRÜGIŞ** [höwrüğüş], *iş ady.* Höwrükmek ýagdaýy.

**HÖWRÜGIŞMEK** [höwrüğüşmök], *işl.* Birneme höwrükmek.

**HÖWRÜKDIRMEK** [höwrükdürmök], *işl.* Öwrenişdirmek, höwrüger ýaly etmek.

**HÖWRÜKMEK** [höwrükmök], *işl.* Bir adam ýa-da bir mal bilen öwrenişmek, höwür bolmak, ysnyşmak. *Onuň öňki höwrügen bagşylary bilen gatnaw açyşam üýtgeşikdi* ("Edebiýat we sungat").

**HÖWRÜKMEKLIK** [höwrükmöklük], *iş ady.* Höwrükmek ýagdaýy.

**HÖWÜR I**, *at.* Gümür-ýamyr eder ýaly hemra, ýoldaş, ýanyňda bolýan mal-gara. *Obanyň ähli çagalary Gajar agany söýýärdiler we ony hormatlaýardylar, gyşyn-ýazyn Gajar aganyň höwri hem şol çagalar bolýardy* (A. Gowşudow).

◊ **Höwri köp bolsun!** düýe botlanda, sygyr, goýun, geçi guzlanda, "baş sany artsyn" diýlip aýdylýan alkyş.

**HÖWÜR II**, *syp.* Erkek mal. *Höwür at. Höwür erkek.*

◊ **Höwre gelmek** urkaçy, inen malyň öndüriji erkek mal bilen çaknyşmak wagty ýetmek. *Meniň şu tohum gylýalym höwre gelipdir* ("Görogly"). *Keýikleriň höwre gelen bir wagtydy* (A. Gowşudow). **Höwre goýmak** inen, urkaçy maly erkek malyň ýanyna goýberip çakyşdyrmak. *Şu günler biz öz sürimizi höwre goýmaklyga taýýarlaýarys.* **Höwre gysylmak** erkege gelmek (inen düýe hakynda). **Höwürden çykmak** urkaçy, inen mallaryň höwre gelme döwri geçmek. **Höwür möwsümi** esasan, goýundyr geçini köpçülikleýin goçdan, tekeden çykarmak döwri. *Höwür möwsümi döwründe mallara has hem gowy seretmeli bolýar* (K. Berdiýew). **Höwür seçmek**emişdirilen guzudyr owlagy enelerinden saýlamak.

**HÖWÜRGENIŞ** [höwürğönüş], *iş ady.* Höwürgenmek ýagdaýy.

**HÖWÜRGENME** [höwürğönmö], *iş ady.* Höwürgenmek ýagdaýy.

**HÖWÜRGENMEK** [höwürğönmök], *işl.* Urkaçy, inen mallaryň erkek mal bilen höwre gelmek möwriti ýetmek.

**HÖWÜRGENMEKLIK** [höwürğönmöklük], *iş ady.* Höwürgenmek ýagdaýy.

**HÖWÜRTGE** [höwürtgö], *at.* **1**. Guşlaryň çöp--çalam ýygnap ýumurtgalaýan we çaga çykarýan ýeri. *Agaçlaryň üstünde uly guşlaryň höwürtgeleri bar erdi* ("Zöhre – Tahyr"). **2**. *gepl.d.* Adamlaryň ýaşaýan ýeri, tünegi.

**HÖWÜRTGELEME** [höwürtgölömö], *iş ady.* Höwürtgelemek ýagdaýy.

**HÖWÜRTGELEMEK** [höwürtgölömök], *işl.* Çöp-çalam ýygnap, höwürtge edinmek, höwürtge ýasanmak. *Gumrular höwürtgeläp başladylar*.

**HÖWÜRTGELEMEKLIK** [höwürtgölömöklük], *iş ady.* Höwürtgelemek ýagdaýy.

**HÖWÜRTGELEÝIŞ** [höwürtgölöýüş], *iş ady.* Höwürtgelemek ýagdaýy.

**HÖZIR** [hözüýr], *at.*Bir zatdan ýa-da birinden görülýän lezzet, eşret. *Zähmetiň hözirini görmek*.

**HÖZIRLI** [hözüýrlü], *syp.* Höziri, eşreti, lezzeti bar. *Hözirli iş.*

**HÖZIRSIZ** [hözüýrsüz], *syp.* Höziri, eşreti, lezzeti bolmadyk.

**HRESTOMATIÝA** [hirestoma:tyýa], *at.* Ýazyjylaryň, alymlaryň saýlanyp alnan eserleri ýa-da şolardan alnan bölekler ýerleşdirilip, kitap görnüşinde neşir edilen ýygyndy.

**HRISTIAN** [hiristiýa:n], *at.* Hristiançylyga uýýan, haçparaz.

**HRISTIANÇYLYK** [hiristiýa:nçylyk], *at, ser.* **Hristianlyk**.

**HRISTIANLYK** [hiristiýa:nlyk], *at.* Isa Pygambere bolan ynam esasynda b. e. I asyrynda döräp, dünýäde has giň ýaýran diniň biri, haçparazlyk.

**HRONIKI** [hyro:niki], *syp., lukmanç.* Köp wagtlap dowam edýän, uzaga çekýän (kesel hakda). *Hronoki kesel. Hroniki bronhit.*

**HUB** [hu:p], *syp., ser.* **Hup**. *Ak bilezik hub ýaraşar goluňa* (Baýly şahyr).

**HUDA** [huda:], *at, k.d., ser.* Hudaý. *El uzatma köp pisada, ýör hudadan howp edip* (Magtymguly).

**HUDAÝ** [huda:ý], *at.* Dini düşünjä görä, dünýäni ýaradan we ony dolandyrýan iň ýokary güýç.

◊ **Hudaý diýen ýeri (ýerim, ýeriň) bar eken** garaşylmadyk beladan sypylanda aýdylýan aňlatma.

**HUDAÝATY** [huda:ýaty], *at.* Uzyn inçe göwreli we uzyn aýakly, kiçijik kelleli, çekirtge görnüşli mörmöjek.

**HUDAÝÇY** [huda:ýçy], *syp., ser.* **Hudaýhon**.

**HUDAÝHON** [huda:ýho:n], *syp.* Hudaýyň ýoluny tutýan, hudaýçy. *Hemme kişi ony hudaýhon adam diýip tanaýardy.*

**HUDAÝHONLYK** [huda:ýho:nluk], *at.* Hudaýa ynanyjylyk.

**HUDAÝLYK: hudaýlygyňy aýtmak (diýmek)** hudaýyň ýoluny tutup, çynyňy aýtmak. *Hudaýlygymy aýtsam, hiç haçan adama ýamanlyk etmek niýetimde-de bolmandy.*

**HUDAÝÝOLY** [huda:ýýo:ly], *at.* Maşgala abadançylygy we ş.m. sebäpli hudaýyň adyna berilýän sadaka.

**HUK** [hu:k] **II**, *at.* **1**. *kön. s.* Doňuz, garakeýik. *Gybatkeş suraty doňuz-u hukdur, Garny ýere deger, gözleri gökdür* (Magtymguly). **2**. Akyly doly däl, samsyga ýakyn, çendenaşa sada. *Ol gaty huk eken.*

**HUKGA** [hukgo], *at, kön. s.* **1**. Gymmatbaha daş. **2**.Derman salynýan gutujyk. **3**.Bulgur. **4**. Suw çiliminiň temmäki guýulýan ýeri.

**HUKUK** [huku:k], *at.* **1**. Hemmeler üçin hökmany bolan jemgyýetçilik kadalarynyň döwlet tarapyndan bellenen ulgamy. **2**. Raýatyň döwlet tarapyndan berkidilýän, kepillendirilýän we goralýan hukuk gatnaşyklary we esasy hak-hukuklary.

◊ **Hukuk ýagdaýy** hukuga degişli düzgünnama, status. *Ylmy işgärleriň hukuk ýagdaýy*.

**HUKUKLY** [huku:kly], *syp.* Syýasy we raýatlyk hukugy bar bolan.

**HUKUKLYLYK** [huku:kluluk], *at.* Syýasy we raýatlyk hukugy barlyk.

**HUKUKNAMA** [huku:kna:ma], *at.* Bir zady almak ýa-da bermek üçin berilýän resminama. *Ýaşaýyş jaý hukuknamasy*.

**HUKUKSYZ** [huku:ksuz], *syp.* Syýasy we raýatlyk hukugy bolmadyk, hukukdan mahrum.

**HUKUKSYZLYK** [huku:ksuzluk], *at.* Syýasy we raýatlyk hukugy ýokluk; hukugy bolmazlyk.

**HULASA** [hula:sa], *k. d., giriş. s.* Gepiň gysgasy. *Hulasa, patyşa wezir nesihatny kabul kylyp, "hazynanyň" ygtyýaryn wezirge berdi* ("Asly – Kerem").

**HULK**, *at, k. d.* Adamyň gylygy, gylyk-häsiýeti, bolşy, ahlagy. *Akylly är mesgen tutmaz, Hulky söýülmegen ýerde* (Magtymguly). *Dal gerden, inçe bil, kaddy derazdyr, Hulky ýakymlydyr hem hoş owazdyr* (Zelili).

**HULKA** [hulko], *at.* Boýy 50-70 santimetre ýetýän birýyllyk ýabany ot.

**HULPA** [hulpo], *at.* Baldagy gyzgylt ýa-da goňrumtyl, ýapragy tegelekden süýri, öseri tohumly ot.

**HUM**, *at.* Toýundan bişirilip ýasalan, daşy syrçaly ýa-da syrçasyz ullakan küýze. *Humlar jam boldular, jamlar hum boldy* (Magtymguly). *Men şu üzümlerimiň biriniň düýbünde bir hum dolytylla gömendirin* (A. Gowşudow).

◊ **Hum çäýnek** çaý demlenýän uly çäýnek. **Hum ýaly çişmek** çakdanaşa gaharlanmak.

**HUMAR** [huma:r] **I**, *at.* Esasan, pul goýlup oýnalýan oýun, pully oýun. *Onuň ogurlyk etmeýänini, humar oýnamaýanyny bilýärdi* (B. Kerbabaýew). *Garry ölenden soň, ogly bagyň ugruna-da seretmän, humar oýnamak bilen wagtyny geçirer eken* (A. Gowşudow).

◊ **Humary ala oturmak** täleýi ters gelmek, keç ykbal bolmak, kyn güne uçramak.

**HUMAR** [huma:r] **II,** *at.* Bir zatdan alynýan keýp, lezzet. *Zaňňar ukyň humary bilen pallap gelýär-ow* ("Görogly").

◊ **Humardan çykmak** bir zadyň hezil edip keýpini görmek.

**HUMARBAZ** [huma:rva:z], *syp.* Hemişe humar oýnaýan, humary söýýän. *Beň çeken sermest humarbaz, Galar borja, "pul" diýip aglar* (Zelili).

**HUMARBAZLYK** [huma:rva:zlyk], *at.* Humara gyzykmaklyk, humar oýnamaklyk, humarbazyň ýagdaýy.

**HUMARÇYK** [huma:rçy:k], *at.* Dänesi döwlüp, ýarma goşulyp iýilýän ýagjymak däneli ösümlik.

**HUMARLAMAK** [huma:rlamak], *işl., ser.* **Humarlanmak**.

**HUMARLANDYRMAK** [huma:rlandyrmak], *işl., ser.* **Humarlatmak**.

**HUMARLANMA** [huma:rlanma], *iş ady.* Humarlanmak ýagdaýy.

**HUMARLANMAK** [huma:rlanmak], *işl.* Bir zadyň keýpini görmek, keýpiň tutmak, keýplenmek.

**HUMARLANMAKLYK** [huma:rlanmaklyk], *iş ady.* Humarlanmak ýagdaýy.

**HUMARLANYBERMEK** [huma:rlanyvermek], *işl.* Humarlanyp başlamak.

**HUMARLANYŞ** [huma:rlanyş], *iş ady.* Humarlanmak ýagdaýy.

**HUMARLATMAK** [huma:rlatmak], *işl.* Humarlanar ýaly derejä ýetirmek. *Şol hezillik her kimiň başyny humarladýardy* ("Edebiýat we sungat").

**HUMARLY** [huma:rly], *syp.* Keýpli, lezzetli, hezil. *Saňa çykyp, kylsa seýran, Neşeli, humarly daglar* (Magtymguly).

**HUMARLYLYK** [huma:rlylyk], *at.* Keýpli, humarly bolmaklyk, humarlanyp duran ýagdaýda bolmaklyk.

**HUMAÝ** [huma:ý], *at.* **1**. Gadymy düşünjä görä, kimiň üstüne kölege salsa, şol adam patyşa bolýarmyş diýilýän hyýaly guş. *Gaýyby, ýaryň hyýaly geldi könlüm mülküne, Gondy bir döwlet humaýy şähri weýran üstüne* (Gaýyby). **2**. *göç.m.* Örän owadan, görmegeý, gelşikli. **3**. Gyza dakylýan at.

**HUMAÝUN** [huma:ýu:n], *at.* **1**. *k. d.*"Bagtly" diýen manyda patyşalara berilýän at. *Hak humaýun eýlemiş bezm içre sahyp-döwleti* (Şah Ysmaýyl). **2**. Oglana dakylýan at.

**HUMDAN** [humda:n], *at,gepl.d.* Küre. *Ol humdanlary görüşdirip çykdy.*

**HUMHANA** [humha:na], *at, kön.s.* Humlaryň saklanýan ýeri, jaýy.

**HUMRARYLMAK**, *işl.,gepl.d.* Ýüzüňi çytyp, gaharly seretmek, tüňňerilip, gözüňi alardyp, gaharly bakmak. *Eňegi daňylgy adam humrarylyp, Wepa baka seretdi* (A. Gowşudow).

**HUN** [hu:n], *at.* **1**. *kön.s.* Gan. **2**. *taryh.* Öldürilen adamyň ganynyň deregine salynýan jerime.

**HUNABA** [huna:va], *at.* **1**. Ganly ýaş, gan gatyşykly ýaş. *Hunabalar ýutdum ýaz bile gyşda, Wagt ýetinçä ýöre-ýöre gideris* (Zynhary). **2**. *göç.m.* Gaýgygam, jebir, görgi, azap, zulum. *Uruş hunabasyny şol bir egne çekip ýördi* (A. Nazarow).

**HUNDAR** [hu:nna:r], *syp., ser.* **Hunly**. *Pelek asman galyp, perwan eýleýir, Hundar gülüp bakar, jan sesin aňsa* (Magtymguly).

**HUNHOR** [hu:nho:r], *at.* Jan alyjy, ganhor, zalym. *Eý gül ýüzli nigärim, berme hunhora meni* (Talyby).

**HUNLY** [hu:nly], *syp.* Hun algyly, gan algysy bar bolan, hundar.

**HUNSA** [hunso], *at.* Erkeklik we urkaçylyk jyns agzasy bar bolan adam ýa-da haýwan. *– Bä, bu hunsa bolaýmasyn! – Ahaw, häzir boluň, adammyka beri!* (B. Kerbabaýew).

**HUP** [hu:p], *syp., şahyr.* Ýagşy, oňat, görmegeý. *Suratyň hupdur weli, magnyda aklyň azdyr* (Gaýyby).

**HUPBAT** [hupbot], *at.* Görülýän görgi, çekilýän jebir, zulum, azap, horluk.

**HUPBATLY** [hupbotly], *syp.* Jebirli, azaply, horlukly. *Hupbatly günler.*

**HUPLUK** [hu:pluk], *at.* Owadanlyk, görmegeýlik. *Bu hupluk möwsümi içre kylawer eşreti döwran* (Gaýyby).

**HURMA** [hurmo] **I**, *at.* **1**. Käbir günorta ýurtlarda bitýän agaç. **2**. Şol agajyň igdepisint miwesi.

**HURMA** [hurmo] **II**, *at.* **1**. Üzüm agajynyň ýaňy güllejek bolup duran kiçijik salkymy. **2**. Gyza dakylýan at.

**HURMALABERMEK** [hurmola:vermek], *işl.* Hurma getiribermek, hurma düwübermek.

**HURMALAMA** [hurmolomo], *iş ady.* Hurmalamak ýagdaýy.

**HURMALAMAK** [hurmolomok], *işl.* **1**. Hurma getirmek, hurma düwmek. **2**. Güllemezinden öňinçä hurma görkezmek (üzüm agajy hakynda). *Ol özüni gaýgyrman, ekinlerini we ýaňy hurmalan üzüm baglaryny gaýgy edýärdi* (A. Gowşudow).

**HURMALAMAKLYK** [hurmolomokluk], *iş ady.* Hurmalamak ýagdaýy.

**HURMALAÝYŞ** [hurmoloýuş], *iş ady.* Hurmalamak ýagdaýy.

**HURMALYK** [hurmoluk], *at.* Hurma agajynyň köp ösen ýeri.

**HURMAÝY** [hurma:ýy], *syp.* Hurmanyň reňkine meňzeş, hurma reňkli, goýy gyzyl, hurma ýaly. *Onuň ýaňaklary hurmaýy gyzyldy.*

**HURSANT** [hursont], *syp., k. d.* Şat, hoşal, şadyýan. *Senden özge bolmaz göwün hursandym, Hapa wagtym göwnüm açar günüňdir* ("Görogly").

**HURSANTLYK** [hursontluk], *at.* Hoşallyk, şadyýanlyk. *Men olar bilen tanşanymy hursantlyk bilen beýan etdim* ("Edebiýat we sungat").

**HURŞYT** [hurşuýt], *at, k. d.* **1**. Gün; güneş. *Gije-ýu gündizge berip nemaýyş, Hurşyt ile mahy-taban ýaratdy* (Magtymguly). **2**. Adam ady.

**HURUŞ**, *at.* **1**. Çörek bilen iýmek üçin gerekli iýmit (nahar, çorba, gowurma, et, ýag we ş.m.). *Indi biziň hurşumyz gutardy. Indi olar çörege huruş bolar ýaly süýtgatyk berip duran sygyrjyk edinmek küýüne düşdüler* (B. Kerbabaýew). **2**. Peşeňiň içine guýulýan däri.

**HURUŞ** [huru:ş], *at, k. d.* Gykylyk, galmagal; gowga.

◊ **Huruş eýlemek** joşmak; gygyrmak. *Yşk derýasy doldy, daşdy, gaýnady, Täze huruş eýläp, gyzmaly boldum* (Magtymguly). **Huruşa gelmek** joşa gelmek. *Jan huruşa geldi, gaýnap-joşmadym, Ýüregim möwç urdy, dolup-daşmadym* (Magtymguly).

**HURUŞLYK** [huruşluk], *syp., at.* **1**. Huruş üçin gerekli (önüm), huruş hökmündäki (önüm, azyk). **2**. Peşeňiň içine guýulýan däri.

**HUSN**, *at,k. d.* Görk, jemal, ýüz, keşp. *Ýusup Züleýhanyň husnuna aşyk bolýar* ("Ýusup – Züleýha").

**HUSUSAN** [husu:sa:n], *hal.* Umuman, galaba, galapyn. *Bu ýeriň eýesi hususan özümiz.*

**HUSUSY** [husu:sy], *syp.* Döwlete, jemgyýete degişli bolmadyk, şahsy, ýekebara, diňe özüňe degişli. *Hususy eýeçilik.*

◊ **Hususy kärhana** fiziki şahs tarapyndan onuň karary esasynda we özüniň eýeçilindäki emlägi peýdalanmak bilen döredilen ýuridik şahs (hususy kärhana fiziki şahsyň başga hususyýetçilere degişli kärhanany satyn almagy netijesinde hem döredilip bilner).

◊ **Hususy telekeçi** döwlet salgyt gullugy tarapyndan ýaşaýan ýeri boýunça kanunda bellenen tertipde bellige alnan, ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işini amala aşyrýan fiziki şahs.

**HUSUSYLAŞDYRMA** [husu:suloşdurmo], *iş ady.* Hususylaşdyrmak ýagdaýy.

**HUSUSYLAŞDYRMAK** [husu:suloşdurmok], *işl.* Hususy eýeçilige almak, hususy eýeçilige geçirmek. *Kärhanalary hususylaşdyrmak.*

**HUSUSYLAŞDYRMAKLYK** [husu:suloşdurmokluk], *iş ady.* Hususylaşdyrmak ýagdaýy.

**HUSUSYLAŞDYRYŞ** [husu:suloşduruş], *iş ady.* Hususylaşdyrmak ýagdaýy.

**HUSUSYLAŞDYRYLMAK** [husu:suloşdurulmok], *işl.* Hususy eýeçilige berilmek, hususyýetçilige geçirilmek.

**HUSUSYLYK** [husu:suluk], *at.* Bir şahsa, ýekebara we ş.m. degişlilik.

**HUSUSYÝETÇI** [husu:syýetçi], *at.* Emläk eýesi.

**HUSUSYÝETÇILIK** [husu:syýetçilik], *at.* Emläge bolan hususy eýeçilik.

**HUSYT** [husuýt], *syp.* Eli açyk bolmadyk, gysganç, gysyk, syrnyh. *Iň gowusy, şol husydyň malyna degmeseňiz ýagşy bolardy* ("Görogly").

**HUSYTLYK** [husuýtlyk], *at.* Husyda degişli bolan gylyk-häsiýet, gysgançlyk.

**HUŞ** [hu:ş], *at.* **1**. Bolup geçen wakalary ýatda saklamaga we ony gürrüň edip bilmäge ukyplylyk; aň, ýat. *Ýüregim joş berse, aklym jem bolar, Pikir basar, gaýgy huşy ýandyrar* (Magtymguly). *Wah, huşum gurasyn, halym perişan* (G. Ezizow). **2**. *göç.m.* Oýalyk. *Düýşümdiginem bilemok, huşumdygynam.*

◊ **Huşa getiriji** arak-şerap içip, huşuny gideren adamlary huşuna getirýän saglygy goraýyş edarasy. **Huşuny almak** aňkasyny aşyrmak, aňyny almak. **Huşuňa gelmek1)** bir waka ýadyňa düşmek, aňyňa gelmek, ýatlap bilmek. *Aý ýok-la, beýle zad-a huşumada gelenok* (B. Kerbabaýew). **2)** bihuşlykdan açylmak, özüňe gelmek. **Huşuňy ýitirmek 1)** huşsuzlyk

ýagdaýyna düşmek, huşuňdan aýrylmak, aňsyz bolmak. **2**) özüňi bilmän ýatmak, özüňden gitmek.

**HUŞLULYK** [hu:şluluk], *at.* Huşy, aňy, ýatkeşligi oňatlyk, huşy ýerindelik. *Maral akyllylykda, huşlulykda garrylara meňzeýärdi* (B. Seýtäkow).

**HUŞLY** [hu:şly], *syp.* Huşy ýerinde bolan, huşy bar bolan.

**HUŞSUZ** [hu:şsuz], *syp.* **1**. Bolup geçen wakalary ýadynda saklamaga we ony gürrüň edip bilmäge ukypsyz, ýatkeşligi pes, aňynda zat saklap bilmeýän. *Huşsuz bolsaňam gowy däl, goýanyňy, götereniňi bileňok.* **2**. Özüni bilmän, bihuş ýagdaýda bolan. *Gorp atan bir köne tamda, Biçäre gyz huşsuz ýatyr* (R. Seýidow). *Huşsuz ýatan oglany maşyna salyp, hassahana ugratdylar.*

**HUŞSUZLYK** [hu:şsuzluk], *at.* **1**. Ýatkeş dällik, ýatda saklap bilmezlik, ýatkeşligi peslik. *Ol özüniň huşsuzlygyndan zeýrendi.* **2**. Özüňi bilmezlik, bihuş ýagdaýda bolmaklyk.

**HUT**, *köm. s.*"Edil, diňe" diýen ýaly many aňladýan güýçlendiriji kömekçi söz. – *Ýok, ýegen, ýer köpem bolsa, hut seniň ýanyňda oturjak* ("Edebiýat we sungat").

**HUTMA-HUT** [hutmo-hut], *syp.* "Deňme-deň, barabar" diýen manyda ulanylýan söz. *Oýun hutma-hut gutardy.*

**HUTMA-HUTLUK** [hutmo-hutluk], *at.* Hutma-hut ýagdaý.

**HUW: huw hak 1**) ol hakdyr, ol Alladyr. **2**) ýa Hudaý, eý Hudaý, ýa Alla. *"Huw hak" diýip çykdy alty pyýada, "Adam imdi geler", durgun diýdiler* (Magtymguly).

**HUWWA-HUW** [huwwa:-huw], *üml.* Çaga hüwdülenen mahaly aýdylýan söz. *Ejeň gurban adyňdan, Huwwa guzym, huwwa-huw* (Hüwdi).

**HUZUR** [huzu:r], *at.* Biriniň ýany, gaşy, garşysy, öňi. *Siziň huzuryňyza geldim.*

**HÜJRE** [hüjürö], *at.* Medresede okaýan talyplaryň ýaşaýan we sowat öwrenýän, depesi gupba görnüşli, palçykdan salnan kiçijik jaýy.

**HÜJRELI** [hüjürölü], *syp.* Hüjresi bar bolan, hüjre edilen.

**HÜJRELIK** [hüjürölük], *at.* Hüjräniň köp ýeri.

**HÜJRESIZ** [hüjürösüz], *syp.* Hüjresi bolmadyk, hüjre edilmedik.

**HÜJÜM**, *at.* **1**. Ýok etmek, ýeňmek maksady bilen goşunyň okgunly çozuşy, çozuşyň aýgytly pursady. **2**. Belli bir maksat üçin edilýän hyjuwly hereket. *Ary hüjüm eýlär bal sesin aňsa* (Mollanepes).

**HÜJÜMÇI** [hüjümçü], *at.* Hüjüm edýän adam.

**HÜŽŽERIBERMEK** [hüžžörüvermek], *işl.* Hüžžerip ugramak.

**HÜŽŽERILMEK** [hüžžörülmök], *ser.* **Hüžžermek**.

**HÜŽŽERIŞ** [hüžžörüş], *iş ady.* Hüžžermek ýagdaýy.

**HÜŽŽERIŞMEK** [hüžžörüşmök], *işl.* Köp ýeri hüžžermek, bary hüžžermek.

**HÜŽŽERMEK** [hüžžörmök], *işl.* **1**. Tagaşyksyz bulaşyp, bulam-bujar bolup durmak, hüwjermek. *Ol hüžžerip duran saçlaryny ýatyrdy* (B. Seýtäkow). **2**. *göç.m.* Bir hili gabarylyp haýbat atmak. *Pişijek hüžžerdi.*

**HÜŽŽERMEKLIK** [hüžžörmöklük], *iş ady.* Hüžžermek ýagdaýy.

**HÜŽŽERTMEK** [hüžžörtmök], *işl.* Hüžžük görnüşe getirmek, hüžžerer ýaly etmek. *Goňurja tarap tüýlerini hüžžerdip, dişlerini syrtardyp, batly tassyldap goýbererdi* (B. Annageldiýew). *Dursun saçlaryny hüžžerdip, hasanaklap ýerinden galdy.*

**HÜŽŽÜK**, *syp.* Hüžžerip duran, hüwjük. *Ol ak sepen hüžžük saçlaryny kelteräk barmaklary bilen tutdy* (N. Pomma).

**HÜŽŽÜKLIK** [hüžžüklük], *at.* Hüžžük halynda bolmaklyk, hüžžük bolup durmak.

**HÜLLE** [hüllö], *at.* Gymmatbaha parçadan tikilen geyim, hülle don.

**HÜLLI-HÜLLI** [hüllü-hüllü]**: hülli-hülli etmek** örän lälik saklamak, läliksiretmek, aýnatmak. *Ony öz ugruna goýberip, hülli-hülli edip sakladylar* (A. Durdyýew).

**HÜM**, *üml.* **1**. Bir zada bolan nägileligi aňladyp gelýär. – *Hüm, onda hiç zat eşitmänsiň-dä?* (H. Derýaýew). **2**. Gepleşikde "hä, hawa, şeýledir, dogry" diýen ýaly many aňladýar.

**HÜMER** [hümör], *hal.* Köp adamly, mähellesi köp, üýşmeleň. *Tiz wagtdan soň, olaryň daşy märekeden hümer boldy* (T. Gurbanow).

**HÜMERLENIŞ** [hümörlönüş], *iş ady.* Hümerlenmek ýagdaýy.

**HÜMERLENIŞMEK** [hümörlönüşmek], *işl.* Toplanyşyp, hümer bolşup ýygnanyşmak, üýşmek.

**HÜMERLENME** [hümörlönmö], *iş ady.* Hümerlenmek ýagdaýy.

**HÜMERLENMEK** [hümörlönmök], *işl.* Köp bolup üýşmek, toplanyşmak, hümerlenişmek, hümer bolmak.

**HÜMERLENMEKLIK** [hümörlönmöklük], *iş ady.* Hümerlenmek ýagdaýy.

**HÜMI-SÜMI** [hümü-sümü], *at, ser.* **Hümür-sümür**. *Olar öz aralarynda hümi-sümi edişdiler.*

**HÜMLETMEK** [hümlötmök]**: içiňi hümletmek** bir zatdan ýa-da birinden närazy bolup, öz-özüňden küýlenmek, gaharly, hyjuwly ýagdaýda pikiriňi jemlemek, oýlanmak. *Içiňi hümledip otyrmak.*

**HÜMMET** [hümmöt], *at.* **1**. Güýç, kuwwat, gujur, gaýrat. **2**. Bereket, bolluk; haýyr. *Bu topragyň hümmeti suwa bagly*. **3**. Gymmatly kagyzlaryň ýöreýän satyn alyş we satyş nyrhy. **4**. Oglana dakylýan at.

**HÜMMETLI** [hümmötlü], *syp.* **1**. Güýç-kuwwaty, gujur-gaýraty bar bolan, gaýratly, edermen. *Tebil-teble urup, duşman gyrmaga, Görogly, hümmetli begler ýetişdi* ("Görogly"). **2**. Berekedi bar, bereketli, haýyrly. *Ak bugdaýyň çöregi hümmetli bolýar.*

**HÜMMETLILIK** [hümmötlülük], *at.* Hümmetiniň ýokarylygy, hümmetiniň barlygy.

**HÜMMETSIZ** [hümmössüz], *syp.* **1**. Güýç-kuwwatsyz, gujur-gaýraty ýok bolan; gaýratsyz, edermen däl. **2**. Bereketi bolmadyk, bereketsiz, güýçsüz.

**HÜMMETSIZLENIŞ** [hümmössüzlönüş], *iş ady.* Hümmetsizlenmek ýagdaýy. *Puluň hümmetsizlenişi*.

**HÜMMETSIZLENME** [hümmössüzlönmö], *iş ady.* Hümmetsizlenmek ýagdaýy.

**HÜMMETSIZLENMEK** [hümmössüzlönmök], *işl.* Hümmeti gaçmak, hümmeti pese düşmek.

**HÜMMETSIZLENMEKLIK** [hümmössüzlönmöklük], *iş ady.* Hümmetsizlenmek ýagdaýy.

**HÜMMETSIZLIK** [hümmössüzlük], *at.* Hümmeti ýokluk, hümmeti peslik.

**HÜMMI-SÜMMI** [hümmü-sümmü], *at, ser.* **Hümi-sümi**. *Olar öz aralarynda hümi-sümi edip gürleşýärdiler* (A. Gowşudow).

**HÜMMÜLDI** [hümmüllü], *at, ser.* **Hümürdi**. *Ümsümligiň hümüldisin diňlärdim* (G. Daşgynow).

**HÜMÜRDEME** [hümürdömö], *iş ady.* Hümürdemek ýagdaýy.

**HÜMÜRDEMEK** [hümürdömök], *işl.* Öz ýanyndan eşidiler-eşidilmez ýaly gürlemek. *Ol meniň sowalyma ähmiýet bermän, pessaý ses bilen hümürdedi* ("Edebiýat we sungat").

**HÜMÜRDEMEKLIK** [hümürdömöklük], *iş ady.* Hümürdemek ýagdaýy.

**HÜMÜRDEŞMEK** [hümürdöşmök], *işl.* Bilelikde özara hümürdemek.

**HÜMÜRDEÝIŞ** [hümürdöýüş], *iş ady.* Hümürdemek ýagdaýy.

**HÜMÜRDI** [hümürdü], *at.* Ýuwaş ses bilen özara edilýän gürrüň, doly eşidilmeýän gürrüň. *Sonalaryň öýünde, Hiç ýatmady hümürdi* (A. Alamyşow).

**HÜMÜR-SÜMÜR**, *at.* Näme diýiljek bolunýandygy eşitdirilmän edilýän gürrüň, hümi-sümi, hymy-symy. *Daşardan hümür-sümür eşidildi* ("Edebiýat we sungat").

**HÜNÄR** [hünä:r], *at.* Kimdir biriniň işleýän ýa-da okaýan ýörite ugry hökmünde önümçiligiň, ylmyň, tehnikanyň, sungatyň we ş.m. pudagy, kär.

**HÜNÄRLI** [hünä:rli], *syp.* Bir işi, käri, senedi ele alan, başaryp bilýän. *Halk hojalygy hünärli adamlaryň ýeterlik bolmagyny talap edýär.*

**HÜNÄRLILIK** [hünä:rlilik], *at.* Hünäri barlyk, hünärsiz dällik.

**HÜNÄRMEN** [hünä:rmen], *at.* Önümçiligiň, ylmyň, tehnikanyň, sungatyň we ş.m. haýsydyr bir pudagynda bilimleri we endikleri öwrenip, hünär alan adam; haýsydyr bir zatdan gowy baş çykarýan adam, öz işiniň, käriniň ussady.

**HÜNÄRMENLIK** [hünä:rmenlik], *at.* Hünärmen bolmak ýagdaýy.

**HÜNÄRMENT** [hünä:rment], *at.* Bir senet bilen meşgul bolýan adam.

**HÜNÄRMENTÇILIK** [hünä:rmentçilik], *at.* Hünärmendiň käri, ýagdaýy.

**HÜNÄRSIZ** [hünä:rsiz], *syp.* Hiç bir hünäri, käri ýok, hünärli däl.

**HÜNÄRSIZLIK** [hünä:rsizlik], *at.* Hünäri, käri ýokluk, kärsizlik.

**HÜNJI** [hünjü], *at.* Içinden sapak geçirmek üçin deşilen kiçijik monjuk. *Bir düzüm hünji*.

◊ **Hünji düzülen ýaly** endigandan gelşikli, ýerbe-ýer ýazylan. *Käbiri edil hünji düzülen ýaly ýazylypdyr* (G. Ezizow). **Hünji ýaly** hemmesi ýerbe-ýer, hatara bolup ýyldyraşyp duran. *Hünji ýaly dişi bar.*

**HÜNNÜGARA** [hünnüğara], *syp.* Gap-gara, şar gara, hüýt gara (adam reňki hakynda).

**HÜNTÝUT** [hüntýu:t], *syp., gepl.d.* Doýmaz-dolmaz, örän iýermen.

**HÜNÜBIRÝAN** [hü:nüvirýa:n], *hal.* Bagryňy gan edip, janyňy paralap. – *Aty şony habar bermek üçin bärik gaýdandyr – diýip, Mamagül hünübirýan aglaýardy.* (A.Gowşudow).

**HÜŇEK** [hüňök], *at. gepl.d.* Jaýyň diwarlarynda şemal geler ýaly goýulýan deşik. *Ussaň dükanynyň äpişge hüňeklerinden tozanly ýel köwsar urup, jaýyň içinde aýlanýardy* (A. Gowşudow).

**HÜŇKÄR** [hüňkä:r], *at.* **1**. Hökümi ýöreýän hökümdar. *Hüňkäriň öňünde bir tutaryk boldy* ("Görogly"). *Köňüller köşgünde hyýalyň hany, Öwlady hüňkäre meňzär hökümli* (Magtymguly). **2**. *kön.s.* Erkek adamyň ady.

**HÜŇME** [hüňmö], *iş ady.* Hüňmek ýagdaýy.

**HÜŇMEK** [hüňmök], *işl.* **1**. Bir zadyň içini çuň oýmak, köwmek. *Ol tümi ýerdöle şekilinde, agzyndan bir adam girip biler ýaly edip aşak gazypdyr-da, ony hem bir gapdala hüňüpdir* (A. Gowşudow). **2**. *gepl.d.* Çuwaldaky bugdaýy we ş.m. oýup, almalysyndan köp almak. *Bir görsem, ol çuwaldaky bugdaýy hüňüp, gutarara gelipdir.*

**HÜŇMEKLIK** [hüňmöklük], *iş ady.* Hüňmek ýagdaýy.

**HÜŇÜLMEK** [hüňülmök], *işl.* Içi oýulmak, köwülmek.

**HÜŇÜRDEME** [hüňürdömö], *iş ady.* Hüňürdemek ýagdaýy.

**HÜŇÜRDEMEK** [hüňürdömök], *işl.* Biri ýa-da bir zat barada özbaşyňa zeýrenip gürlemek, gaharly käýinmek.

**HÜŇÜRDEMEKLIK** [hüňürdömöklük], *iş ady.* Hüňürdemek ýagdaýy.

**HÜŇÜRDEŞMEK** [hüňürdöşmök], *işl.* Bile hüňürdemek. – *Biz seni boşadaly – diýip hüňürdeşdiler* (B. Kerbabaýew).

**HÜŇÜRDE-HÜŇÜR** [hüňürdö-hüňür]**: hüňürde--hüňür bolmak** ählisi hüňürdemek.

**HÜŇÜRDEÝIŞ** [hüňürdöýüş], *iş ady.* Hüňürdemek ýagdaýy.

**HÜŇÜRDÄBERMEK** [hüňürdä:vermek], *işl.* Hüňürdäp başlamak

**HÜŇÜRDI** [hüňürdü], *at.* Nägilelik bilen eşidiler--eşidilmez edilýän gürrüň, hüňür-hüňür. *Ogulgerek özüniň hüňürdisi bilen oňa ýatmaga ynjalyk bermedi* (N. Saryhanow*)*.

**HÜŇÜR-HÜŇÜR**, *at, ser.* **Hüňürdi**. *Hüňür--hüňrüňi azrak et-de, näme buýursalar şony ediber!* (A. Durdyýew). *Hüňür-hüňür etmek.*

**HÜŇÜŞ**, *iş ady.* Hüňmek ýagdaýy.

**HÜRSEK** [hürsök], *at.* Orak pisint, daş ýüzi ýiti, iç ýüzi dişli ekin otalýan gural.

**HÜRSEKLEME** [hürsöklömö] **I**, *iş ady.* Hürseklemek işi.

**HÜRSEKLEME** [hürsöklömö] **II**, *iş ady.* Hürseklemek ýagdaýy.

**HÜRSEKLEMEK** [hürsöklömök] **I**, *işl.* Hürsegiň kömegi bilen otamak, hürsek bilen ekinleriň otuny aýyrmak.

**HÜRSEKLEMEK** [hürsöklömök] **II**, *işl.* Tirsek ýa-da ýumruk bilen biriniň böwrüne, gapdalyna dürtmek, symsyklamak, hürsemek. *Geldi yrsarap, ony hürsekleýärdi* (N. Esenmyradow).

**HÜRSEKLEMEKLIK** [hürsöklömöklük] **I**, *iş ady.* Hürseklemek işi.

**HÜRSEKLEMEKLIK** [hürsöklömöklük] **II**, *iş ady.* Hürseklemek ýadgdaýy.

**HÜRSEKLENMEK** [hürsöklönmök] **I**, *işl.* Hürsek bilen otalmak.

**HÜRSEKLENMEK** [hürsöklönmök] **II**, *işl.* Tirsek bilen biriniň böwrüne dürtülmek.

**HÜRSEKLEŞMEK** [hürsöklöşmök] **I**, *işl.* **1**. Hürsek bilen birine otag otaşmak. **2**. Bilelikde hürsek bilen otamak.

**HÜRSEKLEŞMEK** [hürsöklöşmök] **II**, *işl.* **1**. Biri-biriňi hürseklemek. **2**. Birnäçe bolup hürseklemek. *Aýallar ýetmiş ýerinden hürsekleşip: – Nika wekilçiligini Gully baýa berdim diý! Diýsene gyz! – diýip gyssadylar* (H. Derýaýew).

**HÜRSEKLÄBERMEK** [hürsöklä:vermek], *işl.* Hürsekläp başlamak.

**HÜRSEKLEÝIŞ** [hürsöklöýüş] **I**, *iş ady.* Hürseklemek ýagdaýy.

**HÜRSEKLEÝIŞ** [hürsöklöýüş] **II**, *iş ady.* Hürseklemek ýagdaýy.

**HÜRTÜLDEME** [hürtüllömö], *iş ady.* Hürtüldemek ýagdaýy.

**HÜRTÜLDEMEK** [hürtüllömök], *işl.* Hürtüldili ses etmek, hürtüldili seslenmek.

**HÜRTÜLDETMEK** [hürtüllötmök], *işl.* Hürtüldili seslendirmek.

**HÜRTÜLDEÝIŞ** [hürtüllöýüş], *iş ady.* Hürtüldemek ýagdaýy.

**HÜRTÜLDI** [hürtüllü], *at.* Bir zat sünjülende, çümende döreýän sesiň ady.

**HÜŞERILIBERMEK** [hüşörlüvermek], *işl., ser.* **Üşerilibermek**.

**HÜŞERILIŞMEK** [hüşörlüşmök], *işl., ser.* **Üşerilişmek**. *Hemmeler hüşerilişdiler.*

**HÜŞERILMEK** [hüşörülmök], *işl., ser.* **Üşerilmek**.

**HÜŞERIŞMEK** [hüşörüşmök], *işl., ser.* **Üşerişmek**.

**HÜŞERME** [hüşörmö], *iş ady, ser.* **Üşerme**.

**HÜŞERMEK** [hüşörmök], *işl., ser.* **Üşermek**.

**HÜŞERMEKLIK** [hüşörmöklük], *iş ady, ser.* **Üşermeklik**.

**HÜŞERMEZLIK** [hüşörmözlük], *iş ady, ser.* **Üşermezlik**.

**HÜŞERTMEK** [hüşörtmök], *işl., ser.* **Üşertmek**.

**HÜŞGÄR** [hüşgä:r], *hal.* Elmydama, seresap, ägä, eserdeň, duýgur. *Marallar, gulanlar boluşyp hüşgär, Gelip seň şypaly suwuňdan içýär* (G. Ezizow). *Ol örän hüşgär adam.*

**HÜŞGÄRLIK** [hüşgä:rlik], *at.* Hüşgär ýagdaýda bolmaklyk, seresaplylyk, ägälik, duýgurlyk, eserdeňlik. *Hüşgärligiňi ýitirmek.*

**HÜŞ**, *üml.* Sessiz-üýnsüz, ýuwaş bolmaklyk ündelip aýdylýar.

**HÜŞŞÜLDEME** [hüşşüllömö], *iş ady.* Hüşşüldemek ýagdaýy.

**HÜŞŞÜLDEMEK** [hüşşüllömök], *işl.* "Hüş" diýip seslenmek, "hüş" etmek.

**HÜŞŞÜLDEMEKLIK** [hüşşüllömöklük], *iş ady.* Hüşşüldemek ýagdaýy.

**HÜŞŞÜLDEÝIŞ** [hüşşüllöýüş], *iş ady.* Hüşşüldemek ýagdaýy.

**HÜŞÜR**, *at.* Yslam dininiň kada-kanunlaryna görä ýylda ýerden alynýan hasylyň ondan birine deň möçberde garyp-gasarlara, ýetim-ýesirlere berilýän salgyt.

**HÜTDÜK**, *syp.* Kiçijik hem dar, garaňky (ýaramazja jaý, öý hakynda). *Her ýerde ýalaňaç şahalaryny töwerege gezeşip oturan tutlar hütdük gara öýlerden saýlanyp görünýär* (O. Ödäýew*). Gaýt iliňe, bar-da, gara hütdügiňe eýelik et!* (B. Soltannyýazow).

**HÜTHÜT**, *at.* Hüýpüýpik. *Hüthüt aýdar: "Ilçiýem!", Süleýmana sawçyýam!* (Magtymguly). *Hüthüt kimin Pereňden Çyn-Maçyna bardygym, Efsun okyp, hüthütni inderdigim bilmezmiň* (Magtymguly).

**HÜTLEDIBERMEK** [hütülödüvermek], *işl.* Hütledip ugramak.

**HÜTLEDILMEK** [hütülödülmök], *işl.* Hütledip urulmak, hütläp degmek.

**HÜTLEME** [hütülömö], *iş ady.* Hütlemek ýagdaýy.

**HÜTLEMEK** [hütülömök], *işl.* Birine ýa-da bir zada batly baryp degmek, urulmak. *Ol somalyp duran agaja hütläp degdi* (B. Gulow).

**HÜTLEMEKLIK** [hütülömöklük], *iş ady.* Hütlemek ýagdaýy.

**HÜTLETMEK** [hütülötmök], *işl.* Batly urmak.

**HÜTLEÝIŞ** [hütülöýüş], *iş ady.* Hütlemek ýagdaýy.

**HÜTÜRDEME** [hütürdömö], *iş ady.* Hütürdemek ýagdaýy.

**HÜTÜRDEMEK** [hütürdömök], *işl.* Hütürdili ses çykmak, hütürdili seslenmek, hytyrdamak. *Ol hütürdeýän garyň üstünde gezmeleýärdi*.

**HÜTÜRDEMEKLIK** [hütürdömöklük], *iş ady.* Hütürdemek ýagdaýy.

**HÜTÜRDEŞMEK** [hütürdöşmök], *işl.* Yzygiderli hütürdäp seslenmek.

**HÜTÜRDETMEK** [hütürdötmök], *işl.* Hütürdili seslendirmek. *Ol gary hütürdedip, maşynyna tarap ýöneldi.*

**HÜTÜRDEÝIŞ** [hütürdöýüş], *iş ady.* Hütürdemek ýagdaýy.

**HÜTÜRDÄBERMEK** [hütürdä:vermek], *işl.* Hütürdäp başlamak.

**HÜTÜRDI** [hütürdü], *at.* Käbir gatyrak zadyň üstünden basylanda, gaty zat iýlende we ş.m. döreýän sesiň ady. *Daşardan aýak sesiniň hütürdisi eşidildi.*

**HÜW: hüw diýip çykyp gitmek** baş alyp gitmek, bar zady owarram edip gitmek.

**HÜWDI** [hüwdü], *at.* **1**. Ýaş çagany uklatmak üçin pessaý ses bilen aýdylýan aýdym. **2**. Halk döredijiliginiň bir görnüşi.

**HÜWDÜLEME** [hüwdülömö], *iş ady.* Hüwdülemek ýagdaýy.

**HÜWDÜLEMEK** [hüwdülömök], *işl.* Ýaş çagany hüwdi aýdyp uklatmak, hüwdi aýdyp allalamak. *Meniňem ölmenkäm, agtyk hüwdülemek arzuwym bar ahyry* (G. Gurbansähedow).

**HÜWDÜLEMEKLIK** [hüwdülömöklük], *iş ady.* Hüwdülemek ýagdaýy.

**HÜWDÜLENMEK** [hüwdülönmök], *işl.* Hüwdi bilen allalanmak, hüwdüläp ýatyrylmak. *Hüwdülenen çaga uka gitdi.*

**HÜWDÜLETMEK** [hüwdülötmök], *işl.* Birini hüwdülemäge mejbur etmek.

**HÜWDÜLEÝJI** [hüwdülöýjü], *syp.* Hüwdüläp meýmirediji, ýatyryjy.

**HÜWDÜLEÝIŞ** [hüwdülöýüş], *iş ady.* Hüwdülemek ýagdaýy.

**HÜWDÜLÄBERMEK** [hüwdülä:vermek], *işl.* Hüwdi aýdyp allalabermek.

**HÜWJERIBERMEK** [hüwjörüvermek], *işl.* Syh-syh bolubermek, hüžžeribermek.

**HÜWJERIŞ** [hüwjörüş], *iş ady.* Hüwjermek ýagdaýy.

**HÜWJERIŞMEK** [hüwjörüşmök], *işl.* Bary, tutuş hüwjermek. *Saçlaryň näme hüwjerişip dur!*

**HÜWJERME** [hüwjörmö], *iş ady.* Hüwjermek ýagdaýy.

**HÜWJERMEK** [hüwjörmök], *işl., ser.* **Hüžžermek**. *Sen bu hüwjerip duran gara burma saçlaryň bilen meniň sözüme kän bir ynanmarsyň* (G. Gurbansähedow).

**HÜWJERMEKLIK** [hüwjörmöklük], *iş ady.* Hüwjermek ýagdaýy.

**HÜWJERTMEK** [hüwjörtmök], *işl.* Hüwjerer ýaly etmek, hüwjerere getirmek.

**HÜWJÜK**, *ser.* **Hüžžük**. *Ol hüwjük saçlaryny maňlaý daňysyna dykyşdyrdy* ("Edebiýat we sungat").

**HÜWJÜKLIK** [hüwjüklük], *at, ser.* **Hüžžüklik**.

**HÜWI** [hüwü], *at.* Ullakan tegelek gözli, çüňki egri ýyrtyjy guş.

**HÜÝ**, *at.* Gylyk, häsiýet. *Her kim tapar öz pälinden, hüýünden* (Aşyky).

◊ **Hüýi alyşmak** gylyk-häsiýeti biri-biriniňkä gabat gelmek – *Şeýdip, olaryň hüýi alşyp gitdi. Olar her hili gürrüňler etdiler, şorta sözler aýdyşdylar* (A.Gowşudow).

**HÜÝDEŞ** [hüýdöş], *syp.* Gylykdaş, häsiýetdeş, pikirdeş. *"Pis pisi tapar, suw – pesi" diýen ýaly, her kimiň özüniň hüýdeşi bar* (B. Kerbabaýew).

**HÜÝ-HÄSIÝET** [hüý-hä:sýet], *at, ser.* **Häsiýet 1**. *Bike eje Sähetdurdy aganyň hüý-häsiýetini taryplap başlady* (N. Pomma).

**HÜÝ-HÄSIÝETLI** [hüý-hä:sýetli], *syp.* Belli bir häsiýetdäki, haýsydyr bir häsiýet mahsus, häsiýetli. *Kim öz perzendiniň gowy hüý-häsiýetli adam bolup ýetişmegini arzuw edenok?!*

**HÜÝLI** [hüýlü], *syp.* Özboluşly, özüne has bolan aýratyn hüýi bolan. *Bugdaý reňk bolsun akdan-garadan, Ýagşy gylyk, ýagşy hüýli gerekdir* (Halk aýdymyndan).

**HÜÝPÜÝPIK** [hüýpüýpük], *at.* Gara-ala, menek-menek ýelekli, uzyn hüpükli owadanja guş.

**HÜÝR**, **1**. *syp.* Owadan, görmegeý, şekilli. *Ýüzüňi meňzetdim Hüýr perä.* **2**. *at.* Näzenin, behişt gyzy, peri. *Ýa peri-peýkerdir ol, ýa sekiz uçma hüýrüdir, Ýa asaldyr, ýa nabat, ýa-ha alarnyň biridir* (Şabende).

**HÜÝT: hüýt gara** gaty gara, örän gara, gap-gara. *Yzyndanam hüýt gara tüsse zowladyp goýberdi* (A. Nazarow).

**HYBYL** [hyvyl], *at.* Bir zadyň sary, durky. *Gün hyblyny almaz ýaly, ur-tut kölegä geçirip goýar* ("Watan").

**HYDYR**: **hydyr gören ýaly** ekilen ekinler, miweli agaçlar örän bol hasyl getirende aýdylýar, başyna gören ýaly.

**HYGYLDAMA** [hy:ğyllama], *iş ady.* Hygyldamak ýagdaýy.

**HYGYLDAMAK** [hy:ğyllamak], *işl.* Hygyldyly ses etmek, gygyldyly seslenmek. *Garly onuň bogazyny sypdyranda, bokurdagy hyýgyldap ses etdi* (A. Nazarow).

**HYGYLDAMAKLYK** [hy:ğyllamaklyk], *iş ady.* Hygyldamak ýagdaýy.

**HYGYLDAŞMAK** [hy:ğyllaşmak], *işl.* Birnäçe adamyň bokurdagy hygyldyly seslenmek.

**HYGYLDAÝYŞ** [hy:ğyllaýyş], *iş ady.* Hygyldamak ýagdaýy.

**HYGYLDY** [hy:ğylly], *at.* Bokurdakdan boglanda we ş.m. ýagdaýda bogazdan hygyldap çykýan sesiň ady.

**HYH**, *üml.* Eşek sürlende aýdylýan söz. *Ol guýrujagyny bulaýlap barýan taýharyň gidişini haýal gördi-de, ony birsyhly debsedi, "hyh, hyh" diýip, birsyhly gaýtalap, onuň gerşine dürtdi* (B. Kerbabaýew).

**HYH-TÜF**, *s. ş. aňl. söz.* Tüýkürilende çykýan ses. *Agzyndaky palçygyny ýeňi bilen süpürdi, "hyh-tüf" diýip tüýkürdi* (B. Kerbabaýew).

**HYJALAT** [hyja:lat], *at,k. d.* Haýa; utanç, uýat; gyjalat. *Gül hyjalatdan gyzarylyp, Şermisar oldy ýene* (Şah Ysmaýyl). *Hyjalatda goýmagyn ýagşy-ýaman içinde* (Magtymguly).

**HYJUW**, *at.* Işe, okuwa we ş.m. herekete bolan güýçli joşgun, isleg.

**HYJUWLANDYRMAK** [hyjuwlonnurmok], *işl.* Hyjuwlanmaga itergi bermek, hyjuwlanar ýaly etmek. *Gaýta öz ýüregine düwen zadyny ahyryna çenli ýetirmek erjelligi ony has-da hyjuwlandyrdy* (Ş. Borjakow).

**HYJUWLANDYRYJY** [hyjuwlonnurujy], *syp.* Hyjuw dörediji, hyjuw oýaryjy.

**HYJUWLANMA** [hyjuwlonmo], *iş ady.* Hyjuwlanmak ýagdaýy.

**HYJUWLANMAK** [hyjuwlonmok], *işl.* Bir işi, hereketi we ş.m. ýerine ýetirmäge hyjuw, joşgun döremek, hyjuw almak.

**HYJUWLANMAKLYK** [hyjuwlonmokluk], *iş ady.* Hyjuwlanmak ýagdaýy.

**HYJUWLANYBERMEK** [hyjuwlonuvermek], *işl.* Hyjuw, joşgun döräbermek, hyjuwlanyp başlamak.

**HYJUWLANYŞ** [hyjuwlonuş], *iş ady.* Hyjuwlanmak ýagdaýy.

**HYJUWLY**, *syp.* Hyjuw, joşgun bilen hereket edýän. *Ýaşlar galapyn hyjuwly bolýar* ("Edebiýat we sungat").

**HYJUWLYLYK** [hyjuwluluk], *at.* Hyjuwy, joşguny barlyk, joşgunlylyk. *Tolgunmak bolsa hyjuwlylyga peýda edýär diýýärler* (B. Seýtäkow).

**HYJYL**, *at, k. d.* Utanç, utanç-haýa. *Hyjyl çeker şekerler, dahan içre tilinden* (Mollanepes).

**HYŽŽYLDABERMEK** [hyžžylla:vermek], *işl.* Hyžžyldyly seslenibermek.

**HYŽŽYLDAMA** [hyžžyllama], *iş ady.* Hyžžyldamak ýagdaýy.

**HYŽŽYLDAMAK** [hyžžyllamak], *işl.* Hyžžyldyly ses çykarmak, hyžžyldyly seslenmek. *Onuň bogazy hyžžyldap durdy*.

**HYŽŽYLDAMAKLYK** [hyžžyllamaklyk], *iş ady.* Hyžžyldamak ýagdaýy.

**HYŽŽYLDAŞMAK** [hyžžyllaşmak], *işl.* Köp bolup hyžžyldamak, ýerli-ýerden hyžžyldap ses çykmak. *Hyžžyldaşyp duran küýzelerden çal guýup berdiler.*

**HYŽŽYLDATMAK** [hyžžyllatmak], *işl.* Hyžžyldar ýaly etmek, hyžžyldyly seslendirmek. *Ol bogazyny hyžžyldadyp gürledi*.

**HYŽŽYLDAÝYŞ** [hyžžyllaýyş], *iş ady.* Hyžžyldamak ýagdaýy.

**HYŽŽYLDY** [hyžžylly], *at.* Näsaglyk zerarly bogazdan, öýkenden ýa-da ajan, turşan suwuklykdan we ş.m. çykýan sesiň ady. *Onuň öýkeniniň hyžžyldysy hem eşidilýärdi.*

**HYK** [hy'], *s. ş. aňl. söz.* Adam agyr ýük göterende, güýçli agyra çydamadyk ýagdaýynda az wagtlyk demi saklanyp, bokurdagyndan çykýan ses.

**HYKARAT** [hyka:rat], *at, k. d.* Kemsitme; teýene. *Mähnet artyp, rahatym daş boldy, Hykarat görgüsi çasly bolupdyr* (Çary Afzal).

**HYK-ÇOK**, *at, ser.* **Hykgy-çokgy 1**.

◊ **Hyk-çok etmek** bolgusyz bahana etmek.

**HYKGA**, *hal.* Birden, hasyr-husur.

**HYKGY-ÇOKGUSYZ** [hykgy-çokgusuz], *syp., ser.* **Hykgy-pykgysyz**.

**HYKGY-ÇOKGY**, *at.* Näsaglyk, ýarawsyzlyk zerarly ýüze çykýan zeýrenç, zeýirdi. *Onuň hykgy-çokgusy has artyp başlady*.

**HYKGYLDABERMEK** [hykgylla:vermek], *işl.* Hykgyldap başlamak.

**HYKGYLDAMA** [hykgyllama], *iş ady.* Hykgyldamak ýagdaýy.

**HYKGYLDAMAK** [hykgyllamak], *işl.* **1**. Hykgyldyly ses çykarmak, hykgyldyly seslenmek. *Bu aýalyň häliden bäri hykgyldap oturan çagasy birden aglap başlady* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *göç.m.* Zähmeti söýmezlik, ýaltalyk zerarly hykgy-çokgy etmek, bahana aramak, işýakmaz bolmak. *Hykgyldap oturma-da, işiňe ugra!*

**HYKGYLDAMAKLYK** [hykgyllamaklyk], *iş ady.* Hykgyldamak ýagdaýy.

**HYKGYLDAŞMAK** [hykgyllaşmak], *işl.* Köp bolup hykgyldamak.

**HYKGYLDAÝYŞ** [hykgyllaýyş], *iş ady.* Hykgyldamak ýagdaýy.

**HYKGYLDY** [hykgylly], *at.* **1**. Agyry, näsaglyk zerarly hykylap, agyrlyk bilen dem alynmak netijesinde çykýan sesiň ady. **2**. *göç. m.* Iş ýakmazlyk, ýaltalyk netijesinde edilýän hykgy-çokgy, bahana. *Hykgyldyny az edip, gowy işlemek gerek* (N. Pomma).

**HYKGY-PYKGY**, *at.* Bolgusyz bahana, biderek delil.

**HYKGY-PYKGYSYZ**, *syp.* Gep-gürrüňsiz, hiç bir bahanasyz. *Hykgy-pykgysyz şu ýerden göteriliň*.

**HYKLABERMEK** [hykyla:vermek], *işl.* Hyklap başlamak.

**HYKLAMA** [hykylama], *iş ady.* Hyklamak ýagdaýy.

**HYKLAMAK** [hykylamak], *işl.* Agyr dem almak, zordan dem almak. *Hassa hyklap ýatyrdy. Ol agyr pürsi hyklap zordan ýerinden gozgady.*

**HYKLAMAKLYK** [hykylamaklyk], *iş ady.* Hyklamak ýagdaýy.

**HYKLAŞMAK** [hykylaşmak], *işl.* Köp bolup hyklamak. *Birnäçe göle hyklaşyp ýatyrdy* (A. Durdyýew).

**HYKLAÝYŞ** [hykylaýyş], *iş ady.* Hyklamak ýagdaýy.

**HYKYRDAMA**, *iş ady.* Hykyrdamak ýagdaýy.

**HYKYRDAMAK**, *işl.* Hykyrdyly seslenmek.

**HYKYRDAMAKLYK**, *iş ady.* Hykyrdamak ýagdaýy.

**HYKYRDAŞMAK**, *işl.* Köp bolup hykyrdamak.

**HYKYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Hykyrdamak ýagdaýy.

**HYKYRDY**, *at.* Hykyr-hykyr edilip gülnende çykýan sesiň ady.

**HYKYR-HYKYR**, *s. ş. aňl. söz.* Hykyrdy sesi, hykyrdap çykýan gülkiniň sesi.

**HYLA**, *at.* Eşegiň gerşine dürtmek üçin ýörite ýasalan ujy çiş taýajyk, syh.

**HYLÇYLDAMA** [hylçyllama], *iş ady.* Hylçyldamak ýagdaýy.

**HYLÇYLDAMAK** [hylçyllamak], *işl.* Bir ýere batly urulmak, ýere batly ýykylmak, hylçyldyly ses etmek. *Hylçyldap ýere ýazylmak*.

**HYLÇYLDAMAKLYK** [hylçyllamaklyk], *iş ady.* Hylçyldamak ýagdaýy.

**HYLÇYLDATMAK** [hylçyllatmak], *işl.* Hylçyldyly ses etdirip, ýere urmak. *Ýokary galdyrdy-da, ýene oturgyja hylçyldadyp goýdy* (A. Gowşudow).

**HYLÇYLDAÝYŞ** [hylçyllaýyş], *iş ady.* Hylçyldamak ýagdaýy.

**HYLÇYLDY** [hylçylly], *at.* Bir zat hylçyldadylyp goýlanda çykýan sesiň ady.

**HYLLALLA** [hyllalla:], *at, syp.* Aňsat däl, görgi, çetin, müşgil, uly kynçylyk. *Oňa gep düşündirmek uly hyllallady.*

**HYLLALLALY** [hyllalla:ly], *syp.* Kynçylykly amala aşyrylýan, görgüsi köp bolan. *Hyllallaly mesele.*

**HYLLYK**, *at, ser.* **Gyllyk.**

◊ **Hyllygyňy akdyryp ýörmek** özüňi oňarmazlyk, sana geçmezlik.

**HYLT**, *at, gepl. d.* Ýürekde galýan kitüw, öýke-kine, öýke, nägilelik. *Onuň ýüregindäki hylty heniz aýrylmandyr*.

**HYLTLY**, *syp., gepl.d.* Öýkeli, kineli. *Hyltly bolup, kine etmek bir-bire, Elli müňden aşmak senä ýaraşmaz* (Baýly şahyr).

**HYLWAT** [hylwot], *at, k. d.* Gizlin, ogryn, çola ýer. *Hyjyl çeker şekerler, dahan içre tilinden, Hylwat ýerde bezm edip, guçsam inçe bilinden* (Mollanepes).

**HYMMYL**, *at.* Türkmen aýal-gyzlarynyň eginlerini silkip, aýratyn hereket bilen ýerine ýetirýän halk döredijilik aýdymlarynyň bir görnüşi.

**HYMY-SYMY**, *at, ser.* **Hümi-sümi**.

**HYMYR-SYMYR**, *at, ser.* **Hümür-sümür**. *Hally garanyň keýpsizligini görüp, öz aralarynda hymyr-symyr edişip başladylar* (S. Myradow).

**HYNA** [hy:na], *at.* Saça, sakgala we ş.m. çalynýan boýag, urulýan gyzgylt-sary reňk.

**HYNALAMA** [hy:nalama], *iş ady.* Hynalamak ýagdaýy.

**HYNALAMAK** [hy:nalamak], *işl.* Hyna çalmak, hyna bilen boýamak. *Saçyňy hynalamak.*

**HYNALAŞMAK** [hy:nalaşmak], *işl.* **1**. Hynalamaga kömek etmek. **2**. Bilelikde hynalamak. *Gelinler saçlaryny hynalaşyp otyrdylar.*

**HYNALATMAK** [hy:nalatmak], *işl.* Hyna bilen boýatmak, hyna çaldyrmak.

**HYNALAÝÝŞ** [hy:nalaýyş], *iş ady.* Hynalamak ýagdaýy.

**HYNALY** [hy:naly], *syp.* Hyna çalnan, hyna boýalan. *Bagyňa bagban bolup, tirsem gunça gülüňden, Gülgün şerap içeli, ter hynaly goluňdan* (Baýram şahyr).

**HYNÇGYLAWUK** [hynçğylowuk], *at,ser.* Kükrek myşsalarynyň birden gysylmagy netijesinde demligiň ýoly baglanyp, kesilip-kesilip çykýan hyrkyldyly ses, synçgylawuk.

◊ **Hynçgylawugyň tutmak** kükrek myşsalarynyň birden gysylmagy netijesinde demligiň ýoly baglanyp, kesilip-kesilip hyrkyldyly ses çykmak.

**HYNÇGYRMA** [hynçğyrma], *iş ady.* Hynçgyrmak ýagdaýy.

**HYNÇGYRMAK** [hynçğyrmak], *işl.* Aňňyrjak ýaly edip, çala ses çykarmak, sojap seslenmek (eşek hakynda). *Onuň taýhary gulaklaryny üşerdip, birdenkä hynçgyrmaga durdy* (B. Kerbabaýew).

**HYNÇGYRMAKLYK** [hynçğyrmaklyk], *iş ady.* Hynçgyrmak ýagdaýy.

**HYNÇGYRYBERMEK** [hynçğyryvermek], *işl.* Aňňyrjak ýaly edip, sojap seslenibermek (eşek hakynda).

**HYNÇGYRYŞ** [hynçğyryş], *iş ady.* Hynçgyryp ugramak.

**HYNÇGYRYŞMAK** [hynçğyryşmak], *işl.* Birnäçe bolup bilelikde hynçgyrmak. *Eşekler aňňyryşyp, hynçgyryşyp, bary birden uly goh turuzdylar* ("Edebiýat we sungat").

**HYNNY-MYNNY**, *at.* Bolgusyz bahana, ugursyz bahana, göwünli-göwünsiz delil. *– Aý, maşgalamyz ýaş – diýip, hynny-mynny eden bolup otyr* (H. Derýaýew).

**HYŇ: hyň bermek** köp märeke ýygnanmak, kemsiz dolmak, toplanmak. *Türkmen bagşysyny diňlemek üçin ýygnanan märeke hyň berýärdi* (A. Durdyýew). **Hyň urmak** gaty gaharyň gelmek, ganyň gyzmak, haýbat atmak. *Sähet hyň urup, sözüni kesdi* (A. Gowşudow).

**HYŇK: hyňk etmek** biri ýa-da bir zat barada dil ýarmak, gürrüň etmek, sesiňi çykarmak, myňk etmek. *Hyňk edäýseň, gowulyga garaşma*. **Hyňk etmezlik** biri ýa-da bir zat barada jyňkyňy, sesiňi çykaryp bilmezlik, hiç zat barada gürrüň edip, aýdyp bilmezlik.

**HYŇK-MYŇK: hyňk-myňk etmek** *ser.* **Hyňk-pyňk etmek**.

**HYŇK-PYŇK: hyňk-pyňk etmek** gümmi-sümmi etmek, gümmi-sümmä urmak, haňk-huňk etmek.

**HYŇŇYLDAMA** [hyňňyllama], *iş ady.* Hyňňyldamak ýagdaýy.

**HYŇŇYLDAMAK** [hyňňyllamak], *işl.* Bir hili igençli, iňirdili, nägile ýagdaýda bir zatlar diýmek, nägilelik bildirmek.

**HYŇŇYLDAMAKLYK** [hyňňyllamaklyk], *iş ady.* Hyňňyldamak ýagdaýy.

**HYŇŇYLDAŞMAK** [hyňňyllaşmak], *işl.* Bilelikde hyňňyldamak.

**HYŇŇYLDAÝYŞ** [hyňňyllaýyş], *iş ady.* Hyňňyldamak ýagdaýy.

**HYŇRANMA**, *iş ady.* Hyňranmak ýagdaýy.

**HYŇRANMAK**, *işl.* **1**. Üýrjek ýaly edip hyrlamak (it, ýyrtyjy haýwan hakynda). *Küle köpek art penjeleri bilen ýer dörüp, ýüzüni nobura bakan tutup hyňranýardy* (B. Kerbabaýew). **2**. *gepl. d.* Birine gahar-gazap bildirmek, azgyrylmak.

**HYŇRANYŞ**, *iş ady.* Hyňranmak ýagdaýy.

**HYŇRANYŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup, bilelikde hyňranmak. *Birden daşarda hyňranyşýan itleriň sesi olaryň pikirini bozdy* (R. Gelenow).

**HYŇZAMA**, *iş ady.* Hyňzamak ýagdaýy.

**HYŇZAMAK**, *işl.* Möwç urmak, joşup-daşmak, dolup zor salmak, dyňzamak. *Ol öz bedeninde tükeniksiz güýjüň hyňzap joşýandygyny duýdy* (B. Seýtäkow).

**HYŇZAMAKLYK**, *iş ady.* Hyňzamak ýagdaýy.

**HYŇZAÝYŞ**, *iş ady.* Hyňzamak ýagdaýy.

**HYR**, *at.* Tüpeňiň niliniň, turbanyň, naýça pisint şaýlaryň we ş.m. iç hem-de daş ýüzündäki kesilip edilýän aýlaw-aýlaw ýoljagazlar.

**HYRAÇ** [hyra:ç], *at, taryh.* Orta asyrlarda Gündogar ýurtlarda salynýan salgyt. *Hyrajyňy, salgydyňy kän berip, Gezdik, köp işiňe ýarap, hoş imdi* (Seýdi).

**HYRAMAN** [hyrama:n], *at,ser.* **Hyrram**.

**HYRAWA** [hy:rowo], *at.* Ýörite ekilmän, öň ekilen ýere tohum gaçyp, dökülip gögeren ekin; bugdaý, arpa, pomidor, sogan, gawun, garpyz ýaly ekinler. *Indi hyrawa ekinler bütin maşgala güýmenje boldy* (N. Esenmyradow).

**HYRÇ**, *at.* Aşaky dodagyň daş ýüzi.

◊ **Hyrç etmek** *ser.* **Hyrçyňy dişlemek**. *Girdim baga bütin dünýä harç edip, Bakdym güle, arman bilen hyrç edip* (Magtymguly). **Hyrçyňy dişlemek** aşaky dodagyňy dişläp, gahar-gazap, ökünç bildirmek, ahmyr etmek. *Ol hyrçyny dişläp, kellesini ýaýkaýardy* (B. Pürliýew).

**HYRÇYLDAMA** [hyrçyllama], *iş ady.* Hyrçyldamak ýagdaýy.

**HYRÇYLDAMAK** [hyrçyllamak], *işl.* Hyrçyldyly ses çykmak, hyrçyldyly seslenmek. *Onuň ýalaňaç aýagyna hyrçyldap bir zat çümdi.*

**HYRÇYLDAMAKLYK** [hyrçyllamaklyk], *iş ady.* Hyrçyldamak ýagdaýy.

**HYRÇYLDATMAK** [hyrçyllatmak], *işl.* Hyrçyldyly seslendirmek.

**HYRÇYLDAÝYŞ** [hyrçyllaýyş], *iş ady.* Hyrçyldamak ýagdaýy.

**HYRÇYLDY** [hyrçylly], *at.* Bir zat çümende ýa-da bat bilen ýiti zat sünjülende döreýän sesiň ady.

**HYRDA**, *syp., at, gepl.d.* **1**. Ownuk şaýy pul. *Hyrdaň ýokmy?* **2**. Iri däl, ownuk, maýda, uşak. *Öýüň içi hyrda zatlardan doldy.* **3**. *göç.m.* Ownukçyl, jinnekçi. *Men ownuk-uşak zadyň syrtyna bukular ýaly, hyrda gyrnakmydyryn?!* (B. Kerbabaýew).

**HYRDAMAKSAT**, *syp.* Uly, üýtgeşik bir ähmiýetli maksady bolmadyk. *Hakykatdanam, hyrdamaksat janderdiler däl-de, gözüňi dokundyrýan, kölegesinde saýalaýmaly, töwekgelden tutanýerliler gerek* ("Nesil").

**HYRKEŞ**, *at.* Hyr kesilýän gural, enjam.

**HYRK-HYRK**, *s. ş. aňl. söz.* Jan howluna hyrkyldap, bogazdan çykýan sesler. *Hyrk-hyrk edip ýatmak.*

**HYRKYLDABERMEK** [hyrkylla:vermek], *işl.* Hyrkyldyly seslenibermek, hyrk-hyrk edibermek.

**HYRKYLDAMA** [hyrkyllama], *iş ady.* Hyrkyldamak ýagdaýy.

**HYRKYLDAMAK** [hyrkyllamak], *işl.* Hyrkyldyly ses çykarmak, hyrkyldyly seslenmek.

**HYRKYLDAMAKLYK** [hyrkyllamaklyk], *iş ady.* Hyrkyldamak ýagdaýy.

**HYRKYLDAÝYŞ** [hyrkyllaýyş], *iş ady.* Hyrkyldamak ýagdaýy.

**HYRKYLDY** [hyrkylly], *at.* Jan howluna hyrkyldap, bogazdan çykýan sesiň ady. *Gökdaş bolan Myrat bir ýan ýykyldy, Çalaja eşdildi ondan hyrkyldy* (M. Seýidow).

**HYRLABERMEK** [hyrla:vermek], *işl.* Hyrlap ugramak.

**HYRLAMA**, *iş ady.* Hyrlamak ýagdaýy.

**HYRLAMAK**, *işl.* Üýrjek, ýarjak ýaly edip gaharly seslenmek (it, ýyrtyjy haýwanlar hakynda).

◊ **Hyrlap durmak** (*göç.m.*) bir zat diýseň, derrew gahary gelmek. – *Saňa näme bolýar? Bir zat aýdylsa, ýöne hyrlap dursuň!?*

**HYRLAMAKLYK**, *iş ady.* Hyrlamak ýagdaýy.

**HYRLAŞMAK**, *işl.* Bilelikde hyrlamak.

**HYRLAÝYŞ**, *iş ady.* Hyrlamak ýagdaýy.

**HYRLY**, *at.* Agzyndan doldurylyp, ýeke gülle atýan, niliniň içine hyr kesilen gadymy tüpeň. *Gylyç Mergen özüniň tamda asyp goýan hyrlysyny alyp çykdy* (A. Gowşudow).

**HYRRA**, *hal.* Birden, birbada, derrew, dessine. *Onuň gözleri garaňkyrap, hyrra başy aýlandy*. *Oglanjyk hyrra yzyna öwrüldi.*

**HYRRAM: hyrram telpek** gytyk baganadan tikilip, üstüne mata tutulan tegelek telpek, hyraman.

**HYRRYLDAMAK** [hyrryllamak], *işl.* Hyrryldyly ses etmek, hyrryldyly seslenmek. *Agaç kesilende byçgy hyrryldaýar.*

**HYRRYLDAMAKLYK** [hyrryllamaklyk], *iş ady.* Hyrryldamak ýagdaýy.

**HYRRYLDAÝYŞ** [hyrryllaýyş], *iş ady.* Hyrryldamak ýagdaýy.

**HYRRYLDY** [hyrrylly], *at.* Byçgy bilen agaç kesilende, bir zat üwelende, it hyrlanda we ş.m. ýagdaýlarda döreýän sesiň ady.

**HYRS**, *at, k.d.* Aýy. *Sugun, hyrs jeňňeli söýer, Keýik, gulan çöli söýer* (Zelili).

**HYRSYZ**, *syp.* Hyr edilmedik, hyry bolmadyk. *Hyrsyz çüý.*

**HYRSYZ** [hy:rsyz], *syp.* Gahary ýüzüne çykyp duran, gaharjaň, rehim-şepagatsyz; rehimsiz. *Ýüzi onuň örän hyrsyz, Köp kynçylygy gören ýaly* (Ç. Aşyrow).

**HYRSYZLANDYRMAK** [hy:rsyzlannyrmak], *işl.* Hyrsyzlyk ýagdaýyna getirmek, hyrsyz etmek.

**HYRSYZLANMA** [hy:rsyzlanma], *iş ady.* Hyrsyzlanmak ýagdaýy.

**HYRSYZLANMAK** [hy:rsyzlanmak], *işl.* Gaharjaňlyk sypatyna girmek, hyrsyz bolup başlamak, ýüz-gözüňi gaharly çytmak. *Ýüzi öňküsinden-de hyrsyzlanypdy* (B. Seýtäkow).

**HYRSYZLANMAKLYK** [hy:rsyzlanmaklyk], *iş ady.* Hyrsyzlanmak ýagdaýy.

**HYRSYZLANYBERMEK** [hy:rsyzlanyvermek], *işl.* Hyrsyz bolup başlamak.

**HYRSYZLANYŞ** [hy:rsyzlanyş], *iş ady.* Hyrsyzlanmak ýagdaýy.

**HYRSYZLYK** [hy:rsyzlyk], *at.* Hyrsyz görnüşde bolmaklyk, gaharjaňlyk, hyrsyzyň ýagdaýy.

**HYRŞ: hyrşyň gitmek**, gurbuň, güýç kuwwatyň gaçmak. **Hyrş ýanamak** ýersiz-ýere bahana aramak, yrsaramak.

**HYRT-HYRT**, *s. ş. aňl. söz, ser.* **Hyrtyldy**. *Annaguly sölpi kellesini hyrt-hyrt gaşamaga durdy* (A. Durdyýew).

**HYRTYLDAMA** [hyrtyllama], *iş ady.* Hyrtyldamak ýagdaýy.

**HYRTYLDAMAK** [hyrtyllamak], *işl.* Hyrtyldyly ses çykmak, hyrtyldyly seslenmek.

**HYRTYLDAMAKLYK** [hyrtyllamaklyk], *iş ady.* Hyrtyldamak ýagdaýy.

**HYRTYLDATMAK** [hyrtyllatmak], *işl.* Hyrtyldyly ses çykarmak, hyrtyldyly seslendirmek. *Ol ony bärsine bakdyrjak bolup sermeläp görse, maňlaýynda bir gol ýaly zat bar eken. Ol şony hyrtyldadyp kertip oturan eken* (Halk ertekisinden).

**HYRTYLDAÝYŞ** [hyrtyllaýyş], *iş ady.* Hyrtyldamak ýagdaýy.

**HYRTYLDY** [hyrtylly], *at.* Ter, gaty zat iýlende, kesilende we ş.m. ýagdaýlarda hyrt-hyrt edip çykýan sesiň ady. *Syçanjygyň nämedir bir zat iýýän hyrtyldysy eşidildi.*

**HYRUÇ** [hyru:ç], *at.* Ýürekde döreýän hyjuw, joşgun. *Yşk derýasy doldy, daşdy, gaýnady, Täze hyruç eýläp, gyzmaly boldum* (Magtymguly).

**HYRUÇLANMA** [hyru:şlonmo], *iş ady.* Hyruçlanmak ýagdaýy.

**HYRUÇLANMAK** [hyru:şlonmok], *işl.* Kalbyňda hyruç, joşgun döremek, kalbyňa hyruç aralaşmak.

**HYRUÇLANMAKLYK** [hyru:şlonmokluk], *iş ady.* Hyruçlanmak ýagdaýy.

**HYRUÇLANYŞ** [hyru:şlonuş], *iş ady.* Hyruçlanmak ýagdaýy.

**HYRUÇLYLYK** [hyru:şluluk], *at.* Joşgunlylyk.

**HYRYDAR** [hyry:da:r], *syp.* Biriniň ýa-da bir zadyň höwesgäri, bir zady almak, edinmek islegi bolan.

**HYRYDARLYK** [hyry:da:rlyk], *at.* Biriniň ýa-da bir zadyň höwesgäri bolmaklyk, bir zada islegiň bolmaklyk, birine ýa-da bir zada höwes etmeklik. *Sypaýyçylyk bilen kitaba özümiň hyrydarlygymy bildirmäge başladym* (N. Saryhanow).

**HYRYN-DYKYN** [hyry:n-nyky:n], *hal.* Dos-doly, dykylyp doldurylan ýaly. *Az salymda giň howly adamdan hyryn-dykyn doldy* (N. Pomma).

**HYRYN-DYKYNLYK** [hyry:n-nyky:nlyk], *at.* Dykylyp doldurylan ýagdaýda bolmaklyk, dos-dolulyk.

**HYS***, s. ş. aňl. söz., ser.* **Pys.**

**HYSLABERMEK** [hysyla:vermek], *işl.* Hyssyldyly seslenibermek.

**HYSLAMA** [hysylama], *iş ady.* Hyslamak ýagdaýy.

**HYSLAMAK** [hysylamak], *işl., ser.* **Hyssyldamak**. *Ol yzly-yzyna burnundan dem alyp, hyslady.*

**HYSLAMAKLYK** [hysylamaklyk], *iş ady.* Hyslamak ýagdaýy

**HYSLAÝYŞ** [hysylaýyş], *iş ady.* Hyslamak ýagdaýy.

**HYSSYLDAMA** [hyssyllama], *iş ady.* Hyssyldamak ýagdaýy.

**HYSSYLDAMAK** [hyssyllamak], *işl.* Hyssyldyly seslenmek, hyssyldyly ses etmek. *Maşynyň tigri hyssyldap, ýelini goýberip başlady.*

**HYSSYLDAMAKLYK** [hyssyllamaklyk], *iş ady.* Hyssyldamak ýagdaýy.

**HYSSYLDAŞMAK** [hyssyllaşmak], *işl.* Birnäçesi birden hyssyldamak.

**HYSSYLDATMAK** [hyssyllatmak], *işl.* Hyssyldyly seslendirmek.

**HYSSYLDAÝYŞ** [hyssyllaýyş], *iş ady.* Hyssyldamak ýagdaýy.

**HYSSYLDY** [hyssylly], *at.* Dem alnanda; pökgä, tigre we ş.m. zatlara ýel berlende ýa-da ýeli çykanda döreýän sesiň ady, pyssyldy. *Ýarylan topuň hyssyldysy.*

**HYSYRDAMA**, *iş ady.* Hysyrdamak ýagdaýy.

**HYSYRDAMAK**, *işl.* Iş, alada bilen başagaý bolup işläp ýörmek, güýmenip ýörmek. *Keýwany nahar aladasy bilen hysyrdap ýördi.*

**HYSYRDAMAKLYK**, *iş ady.* Hysyrdamak ýagdaýy.

**HYSYRDANMAK**, *işl.* Özbaşyňa, peýwagtyňa hysyrdap ýörmek. *Onuň ýekedabançysy körügiň ýanynda hysyrdanýardy* ("Edebiýat we sungat").

**HYSYRDAŞMAK**, *işl.* Birnäçe bolup hysyrdamak, bary hysyrdap ýörmek. ... *Adamlaryň hemmesi öz işleri bilen, durmuşlarynyň möhüm wezipesi ýaly edip hysyrdaşyp ýörler* ("Edebiýat we sungat").

**HYSYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Hysyrdamak ýagdaýy.

**HYSYRDY**, *at.* Ownuk-uşak iş, alada. *Gündelik işiň-de hysyrdysy az däldi* (B. Kerbabaýew).

**HYSYRDYÇYL**, *syp.* Hysyrdyny köp edýän, hysyrdap ýörmegi halaýan.

**HYSYRDYLY**, *syp.* Ownuk-uşak işi, derdi, azary köp bolan. *Iňňän hysyrdyly iş.*

**HYSYRDYSYZ**, *syp.* Hysyrdysy ýok, hysyrdyly däl, hiç hili ownuk-uşak iş aladasy, derdi bolmadyk. *Onuň hysyrdysyz oturan wagty ýok.*

**HYŞ** [hy:ş], *at.* Kowum, garyndaş, daşgyn hossar.

**HYŞA**, *at.* Uzyn inçe ýaprakly, baldagynyň içi ak ýumşak jisimli, gamşa meňzeş ösümlik. *Buýan, hyşa topladym, Baryp zordan bekledim* (K. Taňrygulyýew).

**HYŞALYK**, *at.* Hyşanyň köp gögerip oturan ýeri, hyşa jeňňelligi. *Hyşalyk jeňňel.*

**HYŞY-PYŞY**, *at,ser.* **Hyşy-wuşy**. *Şol wagt gelin--gyzlar öz aralarynda hyşy-pyşy gürrüň edişip, turup gitdiler* (A. Gowşudow).

**HYŞY-WUŞY**, *at.* Özara ýuwaşlyk bilen edilýän gürrüň, gizlin gürrüň, hyşy-pyşy.

**HYTAÝ**, *at, ser.* **Hytaýlylar**. *Hytaý medeniýeti. Hytaý dili.*

**HYTAÝLYLAR**, *at.* Hytaýyň esasy ilaty.

**HYTAÝY**, *at.* Süýrüräk, daşy alaja, gök çyzmykly gawunyň bir görnüşi.

**HYTDYK-PYTDYK**, *at, ser.* **Hytdy-pytdy**.

**HYTDY-PYTDY**, *at.* Bolgusyz, ugursyz bahana. *Indi hytdy-pytdy edäýmäň.*

**HYTLADYŞ** [hytyladyş], *iş ady.* Hytlatmak ýagdaýy.

**HYTLATMA** [hytylatma], *iş ady.* Hytlatmak ýagdaýy.

**HYTLATMAK** [hytylatmak], *işl.* Birbada batly, gaty urmak. *Wüşi kel özüniň ýekenil tüpeňiniň teýi bilen öli ýatan möjegiň kellesine hytlatdy* (A. Gowşudow).

**HYTYRDABERMEK** [hytyrda:vermek], *işl.* Hytyrdap seslenibermek, hytyrdy sesini edibermek.

**HYTYRDAMAK**, *işl.* Hytyrdyly ses çykmak, hytyrdyly seslenmek. *Ýüküň aşagynda bir zad-a hytyrdaýar.*

**HYTYRDAMAKLYK**, *iş ady.* Hytyrdamak ýagdaýy.

**HYTYRDAÝYŞ**, *iş ady.* Hytyrdamak ýagdaýy.

**HYTYRDY**, *at.* Gaty zat gazalanda, iýlende, gemrilende we ş.m. ýagdaýda döreýän sesiň ady.

**HYÝAL** [hyýa:l], *at.* Bir iş, mesele barada döreýän meýil, pikir, isleg, arzuw. – *Ýeri, mirap, bu gün näme hyýal geldi saňa? – diýip sorady* (H. Ysmaýylow).

**HYÝALBENT** [hyýa:lvent], *syp.* Boş arzuw ediji, göwün ýüwürdiji, hyýal ediji.

**HYÝALBENTLIK** [hyýa:lventlik], *at.* Boş arzuw edijilik, göwün ýüwürdijilik, hyýal edijilik.

**HYÝALLANMA** [hyýa:llanma], *iş ady.* Hyýallanmak ýagdaýy.

**HYÝALLANMAK** [hyýa:llanmak], *işl.* Bir işi ýerine ýetirmek, amala aşyrmak üçin hyýal etmek, meýil etmek. – *Ussa jan, eliň-gözüň dert görmesin – diýip, aýagyna galoşyny geýmäge hyýallandy* (A. Durdyýew). *Biz kino gitmäge hyýallandyk.*

**HYÝALLANMAKLYK** [hyýa:llanmaklyk], *iş ady.* Hyýallanmak ýagdaýy.

**HYÝALLANYŞ** [hyýa:llanyş], *iş ady.* Hyýallanmak ýagdaýy.

**HYÝALY** [hyýa:ly], *syp.* Boş arzuw, iş ýüzüne geçmedik, amala aşman galan, hyýal bolup galan.

**HYÝANAT** [hyýa:nat], *at.* Edilýän ýamanlyk, ýetirilýän zyýan, erbetlik. *Goý, muny bilsin her bir haýasyz! Hyýanat hiç wagt galmaz jezasyz* (A. Kekilow). *Hyýanat etmek.*

**HYÝANATÇY** [hyýa:natçy], *at.* Hyýanat, ýamanlyk edýän adam, hyýanatkär. *Men bular hyýanatçydyrlar diýip, hiç aýdyp bilmen* (A. Gowşudow).

**HYÝANATÇYLYK** [hyýa:natçylyk], *at.* Hyýanat edijilik, zyýan getirijilik, edilýän ýamanlyk, erbetlik.

**HYÝANATÇYLYKLY** [hyýa:natçylykly], *syp.* Hyýanat edijilikli, kast edijilikli, hyýanat alamaty bolan.

**HYÝANATKÄR** [hyýa:natkä:r], *at, ser.* **Hyýanatçy**. *Eýsem, şol hyýanatkär kimdi?*

**HYÝANATKÄRLIK** [hyýa:natkä:rlik], *at, ser.* **Hyýanatçylyk**.

**HYÝANATLY** [hyýa:natly], *syp., ser.* **Hyýanatçylykly**.

**HYÝAR** [hyýa:r], *at.* **1**. Bakja ekini. **2**. Şol ekiniň süýrümtik gök hasyly.

**HYÝARLYK** [hyýa:rlyk], *at.* Hyýar ekilen ýer, hyýaryň köp biten ýeri.

**HYZLABERMEK** [hyzyla:vermek], *işl.* Hyzzyldap seslenibermek, hyzlap ses edibermek.

**HYZLAMA** [hyzylama], *iş ady.* Hyzlamak ýagdaýy.

**HYZLAMAK** [hyzylamak], *işl.* Hyzzyldyly ses çykmak, hyzzyldyly seslenmek. *Iňrik garalyp, çirkeý hyzlaýar, Topbak gögeýin irmän wyzlaýar* (A. Atajanow).

**HYZLAMAKLYK** [hyzylamaklyk], *iş ady.* Hyzlamak ýagdaýy.

**HYZLAŞMAK** [hyzylaşmak], *işl.* Bilelikde hyzlamak.

**HYZLATMAK** [hyzylatmak], *işl.* Hyzzyldyly seslendirmek.

**HYZLAWAÇ** [hyzlowa:ç], *at, ser.* **Hyzlawuk**.

**HYZLAWUK** [hyzlowuk], *at.* Ortasyndaky iki deşikden ýüp, eriş geçirilip, soňra tow berlip, pyrlandyrylyp oýnalýan oýnawaç.

**HYZLAÝYŞ** [hyzylaýyş], *iş ady.* Hyzlamak ýagdaýy.

**HYZMAT**, *at.* **1**. Biriniň talabyny, ýumşuny, zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin ýerine ýetirilýän iş, çekilýän zähmet. **2**. Birine haýyr getirýän, goldaw, ýardam edýän hereket.

**HYZMATÇY**, *at, ser.* **Hyzmatkär**.

**HYZMATDAŞ**, *syp.* Birek-birek bilen hyzmatdaşlyk edýän.

**HYZMATDAŞLYK**, *at.* Birek-birek bilen özara peýdaly, arkalaşykly çekilýän zähmet, bileleşip edilýän iş.

**HYZMATKÄR** [hyzmatkä:r], *at.* **1**. Biriniň garamagynda, hususy hojalygynda hyzmat edýän, zähmet çekýän adam, hyzmatçy. **2**. Biriniň bähbidini goraýan, birine hyzmat edýän adam. *Deputat bolanyndan soň, halkynyň hyzmatkäridigini bildi* (A. Durdyýew).

**HYZMATKÄRLIK** [hyzmatkä:rlik], *at.* Hyzmatkäriň ýagdaýy, käri, hyzmat edijilik.

**HYZZYLDAMAK** [hyzzyllamak], *işl.* Hyzzyldyly seslenmek.

**HYZZYLDAMAKLYK** [hyzzyllamaklyk], *iş ady.* Hyzzyldamak ýagdaýy.

**HYZZYLDAŞMAK** [hyzzyllaşmak], *işl.* Bilelikde hyzzyldamak.

**HYZZYLDATMAK** [hyzzyllatmak], *işl.* Hyzzyldyly seslendirmek.

**HYZZYLDAÝYŞ** [hyzzyllaýyş], *iş ady.* Hyzzyldamak ýagdaýy.

**HYZZYLDY** [hyzzylly], *at.* Hyzlawuk ýaly oýnawajyň ýa-da käbir zadyň hereketinden, aýlanmagyndan döreýän sesiň ady.

**HYZZYLDYLY** [hyzzyllyly], *syp.* Hyzzyldyly ses edýän, hyzzyldap seslenýän.

**HYZZYN** [hyzzy:n]: **hyzzyn atmak (urmak)** *ser.* **Hyzzynlamak**. "*Hezzet etseň eşege, hyzzyn urar duşaga"* (Nakyl).

**HYZZYNLAMA** [hyzzy:nlama], *iş ady.* Hyzzynlamak ýagdaýy.

**HYZZYNLAMAK** [hyzzy:nlamak], *işl.* Art aýaklary bilen depirjiklemek (esasan, eşek hakynda). *Hyzzynlap başlady eşek biçäre, Kem-kemden obadan açdy ol ara* (A. Kekilow).

**HYZZYNLAMAKLYK** [hyzzy:nlamaklyk], *iş ady.* Hyzzynlamak ýagdaýy.

**HYZZYNLAŞMAK** [hyzzy:nlaşmak], *iş ady.* Birnäçe bolup hyzzynlamak.

**HYZZYNLAÝYŞ** [hyzzy:nlaýyş], *iş ady.* Hyzzynlamak ýagdaýy.

# I

**I** [i:], Türkmen elipbiýiniň on birinji harpy.

**IBA** [i:va:], *at.* **1**. Bir zatdan çekinjeňlik, gaça durmaklyk; uýat, haýa-şerim. **2**. *göç. m.* Derek, ýerliklilik, ygrar. *Her kime syryn ýaýanyň, Sözünde iba bolarmy?* ("Şasenem – Garyp").

◊ **Iba eýlemek** çekinmek, çekinjeňlik etmek, çekinip, haýsydyr bir hereketi etmekden ýüz döndermek. *Aşyklyk şeraby şeýhni mest kylyp, Şeýh taňrydan gorkup, iba eýledi* (Magtymguly). **Iba kylmak** *ser.* **Iba eýlemek**. *Uýalyp, ýerge bakyp, bizden ki iba kyla sen* (Mollanepes). *Çyrag iba kylar, ýel sesin aňsa* (Mollanepes).

**IBALY** [i:va:ly], *syp.* **1**. Gowy, oňat, ýerlikli. *Ol, öňüne at geçirenden ölenini ibaly görýärdi* (B. Kerbabaýew). **2**. Derekli, oňly. *Emma göze ilip duran ibaly zat galmandy* (R. Gelenow).

**IBERIBERMEK** [i:verivermek], *işl.* Iberip başlamak; ibermegi dowam etmek.

**IBERILMEK** [i:verilmek], *işl.* Biri ýa-da bir zat başga ýere ýollanmak, gönderilmek.

**IBERIŞ** [i:veriş], *iş ady.* Ibermek ýagdaýy.

**IBERIŞDIRMEK** [i:verişdirmek], *işl.* Birnäçe zady, adamy iberip çykmak, ugradyşdyrmak, ýollaşdyrmak; yzly-yzyna, gezekli-gezegine ugratmak. *Çagalary okuwa iberişdirmek.*

**IBERIŞMEK** [i:verişmek], *işl.* **1**. Ibermäge kömek etmek. *Sen hatlary iberişäýdiň, bolmasa men ýetişiksiz günde galýardym.* **2**. Bile, birnäçe bolup ibermek.

**IBERME** [i:verme], *iş ady.* Ibermek ýagdaýy.

**IBERMEK** [i:vermek], *işl.* **1**. Birini ýa-da bir zady bir ýerden başga bir ýere ýollamak, ugratmak, göndermek. **2**. Hal işligiň *-ip* goşulmasyny kabul eden *ibermek* işliginden soň *durmak, ýörmek* ýaly kömekçi işlikler gelip, täze many öwüşginli düzümli işlik ýasalýar: **Iberip durmak** birsyhly ibermek. *Men seni hor etmerin, hemişe pul iberip duraryn*.

**IBERMEKLIK** [i:vermeklik], *iş ady.* Ibermek ýagdaýy.

**IBERTMEK** [i:vertmek], *işl.* Ibermek işini başga birine etdirmek; ibermäge ýol bermek. *Hat ibertmek.*

**IBIRTDE-ZIBIRT** [ivirtde-zivirt], Ikibaka gatnaw, başagaý, howlukmaç janly hereket, eýläk-beýläk eriş-argaç gatnaw. *Halk arabaly, düýeli, eşekli, pyýada ibirtde-zibirt, her kimiň ýüzi bazara tarapdy* (H. Derýaýew).

**IBIRTDE-ZIBIRTLIK [i:virtde-zivirtlik],** *at.* Başagaýlyk, alňasaňlyk bilen edilýän hereket, alabasgylyk, eýläk-beýläk köpçülikleýin ýetişiksiz gatnaw. *Obada ibirtde-zibirtlik başlanyp, obanyň içi gymyrsy boldy* (A. Gowşudow).

**IBIRT-ZIBIRT [i:virt-zivirt],** *gepl. d., ser.* **Ibirtde-zibirt**.

**IBIRT-ZIBIRTLIK [i:virt-zivirtlik],** *at, ser.* **Ibirtde-zibirtlik**.

**IBLIS** [ivli:s], *at.* **1**. *kön. s.* Adamlary ýoldan azaşdyryjy, ýaman ýola salyjy hyýaly mahluk, şeýtan. *Çyn ärler iblisiň ýoluna gitmez* ( Magtymguly). **2**. *göç.m.* Melgun, mekir, hilegär (adam hakynda).

**IBLISLIK** [ivli:slik], *at, kön. s.* **1**. Mahluga, şeýtana mahsuslyk. **2**. *göç.m.* Mekirlik, hilegärlik. *Iblislik etmek*.

**IBN**, *at, k. d.* Ogul, perzent (adam adynyň öňünden gelip, onuň ogludygyny aňladyp gelýän söz). *Olar Berdinyýaz ibn Oraz han, Utamyş batyrga baş boluban...* (Abdysetdar Kazy).

**IÇ**, *at.* **1**. Göwrede aşgazanyň, içegäniň, böwregiň we ş.m. ýerleşen ýeri; içki boşluk. *Içiňiz häzir gowy bolar welin, iýýän zadyňyza pikir bereweriň!* (B. Pürliýew). **2**. Enäniň göwresi. *Çaga terbiýesi perzent dünýä inenden soň däl-de, ol heniz enesiniň içindekä başlanýandyr* ("Nesil"). **3**. Bir zadyň içki göwrümi, sygymy, zat ýerleşýän ýeri. *Maşynyň içine-de dört adam ýerleşer.* **4**. Bir ýeriň ýa-da bir zadyň arasy, ortasy, jümmüşi. *Haýatyň içine ýygnalan zatlar näme? Tokaýlygyň içi.* **5**. *göç.m.* Adamyň pikiri, päl, niýet. *Ol hiç kime içini aýtmaýardy.*

◊ **Içi düşmek** gawun, garpyz ýaly önümleriň içi öte bişip zaýalanmak. **Içi gaýnamaz** gaty perwaýsyz; äwmezek. **Içi güjükli gürrüň** kinaýa, kine gatyşykly aýdylan igençli gürrüň. **Içim tap** içki syryny aýtmaýan, içi pikirli (adam hakynda). *Içim tap adam.* **Içinden gaty (ýaman) getiren** sözüň doly manysynda örän mekir, niýeti ýaman, içi pis. *Ol içinden gaty getireniň biridi, oňa janyňy ynanarlyk ýokdy.* **Içinden ýalyn geçen** durmuşda, işde bişişen, köpi gören. *Ol içinden ýalyn geçen adamdyr, sähel zat üçin özüni ýitirip durmaz* ("Nesil"). **Içinden ýol eden** *ser.* **Içinden gaty (ýaman) getiren**. **Içini köwmek** biriniň ugruny tapmak, ugruny ýekelemek, yrmak, öwüp öz diýeniňi etdirmek, ýel bermek, götergilemek. *Kuly ussanyň içini has köwmek üçin, ussa baka garady* (A. Durdyýew). **Içini üzmek** bir zadyň köpüsini almak, bilner derejede egismek, azaltmak, köpüsini sowmak. *"Tygşytlanja pullarymyň içini üzüpsiň-le" diýip, gelin adamsynyň ýüzüne seretdi.* **Içini ýakmak** biriniň gaharyny getirmek, birine garşy gidip, janyny ýakmak. *– Tur, meniň içimi ýakma, tur, şu taýdan ugra! – diýip, ejesi oglunyň ýüz-gözüni ýolmalap barýardy* (A. Durdyýew). **Içiňden geçip barmak** ýiti sowuk zerarly üşemek. *Gyşyň çapgyn şemaly içiňden*

*geçip barýar.* **Içiňde saklamak** hiç kime aýtman, syr saklamak. **Içiň eljuk diýmek** gaty ajykmak, iýesiň gelmek. **Içiň gatamak** täretiň ýöremezlik. *Bizde iç gatamak ýaly keseller-ä derman ösümlikleriň hasabyna ýeňiljek bejerilýär* ("Saglyk"). **Içiň gorulmak** gaty ajykmak. *Biziňem-ä içimiz gorlupdyr, heý, garbanmaga zat ýokmy?* ("Türkmen pýesalary"). **Içiň gülmek** bir zada keýp etmek, bir iş üçin göhüň gelmek; bolmaýan bir zada içiňden guwanmak. **Içiň gysmak** edere iş tapmazlykdan ýa-da ýekelikden ýaňa karar tapyp bilmezlik. *Iş edýän adamyň içi gysmaly däldir* (B. Seýtäkow). **Içiňi bermek 1)** birine ýaşyryn, gizlin syryňy aýtmak, oý-pikiriňi birine ynanmak. *Ol hemme adama syryny aýdyp, içini berip ýörmeýärdi.* **2)** *ser.* **Içiňi gidermek**. **Içiňi boşatmak** *ser.* **Içiňi dökmek**. **Içiňi çekmek** duýdansyz bir zada haýran galmak, ör-gökden gelmek. *Şol wagtda gelip giren Mama içini çekdi: – Wah, nalajedeýin!* (B. Kerbabaýew). **Içiňi dökmek** birine ýaşyryn syrlaryňy aýtmak; derdinmek, zeýrenmek. **Içiňi gepletmek** daşyňa çykarman pikirlenmek, öz göwnüňe geňeşmek, öz ýanyňdan oýlanmak. **Içiňi gidermek** türkmen milli göreşinde: garşydaşyňa içiňi aldyrmak, biliňi pugta gysdyrmak. *Pälwanlaryň biri goşaryny gysanda, beýlekisi içini giderdi.* **Içiňi hümletmek** närazylyk bildirmek, nägile bolmak, içiňden gaharyň gelmek. **Içiňi it ýyrtmak** bir zat üçin gyssanmak, howlukmak, ynjalygyň gaçmak. *Şekeriň bolsa içini it ýyrtyp barýar* (B. Gulow). **Içiňi sowatmak** bir iş edip, keýpden çykmak, ahmyrdan çykmak, köşeşmek. *Ýangynly garrydyr, söger, içini sowadar, gider* (N. Saryhanow). **Içiňi tutmak** alaçsyzlykdan ahmyr astynda galmak, bir zada namys etmek, ahmyrly bolmak. *Eger daýhan bolsa, toprakdan alyp, Oňa bermeýänme tutýandyr için* (G. Ezizow). *Öz gazan çukuryňa özüň ýykylyp, içiňi tutarsyň.* **Içiňi ýakaýyn diýen ýaly** bilgeşleýin diýen ýaly, gaharyňy getirmekçi bolýan ýaly. **Içiň tütemek** bir zat sebäpli janyň ýanmak, aryň köýen ýaly bolmak. *Sazandanyň soňky beren jogabyna onuň içi tütedi* (N. Saryhanow). **Içiň ýanmak** bir zada janyň ýanmak, gaharyň gelmek. **Içi pikirli** mekir. *Ol gaty içi pikirlidir*. **Içi pis** adama ýagşylyk etsem diýen niýeti ýok. *Ol şeýle bir içi pis adam eken.* **Içi ýatakly** gören, eşiden zady hakynda gürlemeýän, bilýän zadyny içinde saklaýan (adam hakynda). *Ol gaty içi ýatakly adamdy, agzyndan gep eşitjek gümanyň ýokdur.* **Içi ýylamazlyk** birine bolan ýaramaz garaýşy aýrylmazlyk. *Meniň ondan tarap içim ýylanok.* **Iç keselleri lukmany** *sagl.g.* iç keselleri boýunça hünärmen, terapewt. *Halkyň saglygyny goramakda iç keselleri lukmanlarynyň wezipesi uludyr* ("Nesil").

**IÇALY** [iça:ly], *at.* Içalylyk bilen meşgullanýan adam, daşary ýurt döwletiniň gizlin agenti, jansyz.

**IÇALYÇYLYK** [iça:lyçylyk], *at, ser.* **Içalylyk**. *Içaly içalynyň yzyndan içalyçylyk edýärdi* (B. Seýtäkow).

**IÇALYLYK** [iça:lylyk], *at.* Başga döwlete bermek niýeti bilen döwlet syry bolup durýan gizlin maglumatlary ýygnamakdan ýa-da materiallary ogurlamakdan ybarat bolan jenaýatçylykly iş.

**IÇAŞ**, *at.* Garyndaky iýmit galyndylary. *Ýagmyr uran keýikleriniň içaşyny aýryp, erkegine ýükledi-de, hiňlenip goşuna geldi* (N. Pomma).

**IÇDALAK** [işda:lak], *at.* Gaýygyň bökeleriniň üstünden goýulýan dalak tagtalary. *Ussa gaýygyň içdalagyny ýerinde goýdy.*

**IÇ-DAŞ** [iş-daş], *at.* **1**. Bir zadyň iç we daş tarapy, iç ýüzi we töwerek-daşy. *Içde-daşda eýesiniň görünmezligi onuň rahatlygyny gaçyrdy* (O. Ödäýew). **2**. Ýakyn we daşgyn hossarlar, garyndaşlar, goňşy-golamlar. *Ony ähli içi-daşy sylaýar.*

◊ **Içine-daşyna geçmek** birine ýalbar-ýakar etmek, ugruny tapjak bolmak, yrmak üçin tagalla etmek.

**IÇDYKMA** [işdykma], *at.* Towugyň, ördegiň we ş.m. içgoşy aýrylyp, ýerine erik, sogan, burç, duz we ş.m. huruş dykylyp, garny tikilip, ýagda gowrulýan ýa-da buga bişirilýän naharyň ady. *Içdykma edilen ördek.*

**IÇEGE** [içeğe], *at.* Adamyň we haýwanyň iýmit siňdiriji ýumşajyk turba görnüşli içki agzasy. *Bu suwy içseň, aşgazanyňy, içegeleriňi, suwuklyk damarlaryňy arassalaýar* ("Edebiýat we sungat").

**IÇEGEN** [içeğen], *syp.* Serhoş ediji içgileri köp içmegi halaýan, içgini gowy görýän.

**IÇEGENLIK** [içeğenlik], *at.* Içmegi halamaklyk, köp içmegi söýmeklik. *Içegenlik adamyny sandan çykarýar* ("Watan").

**IÇERI**, *at.***1**.Ýaşalýan jaýyň oturylýan, goş-golam salynýan ýeri, ýaşalýan otagyň içi. *Içerimi gül ýaly saklady, naharymyza-suwumyza seretdi* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *göç. m.* Bir öýde, maşgalada ýaşaýanlar, maşgalanyň uly-kiçi hemmesi. *Ýeri, oglum, Anna jan, içeriňiz saglykmy?* (A. Alamyşow).

◊ **Içerini çaýkamak** maşgala durmuşyny bozjak bolmak, maşgala agzalalyk salmak. *Içeriniň çaýkanmagynyň ýene bir sebäbi serhoş ediji içgiler bolupdyr.*

**IÇERIK** [içeri:k], *at.* Jaýyň, öýüň içine. *Biz içerik girdik.*

**IÇERKI**, *syp.* Bir ýeriň, ýurduň, guramanyň we ş.m. içki ýagdaýyna, şol ýeriň hut özüne degişli bolan.

◊ **Içerki bazar** harydyň ýurduň içindäki dolanyşyk gerimi.

**IÇERLIK**, *syp.* **1**. Içmek üçin alnan, alyp goýlan, içmäge gerekli. *Içerlik suw alyp goýduňyzmy*? **2**. Içmäge ýaramlylyk. – *Çaýyň içerligi barmy ýa gaty sowapmy? –*

*Içerligi ýok.* **3**. Bir gezek içmäge ýeterlik, bir gezek içer ýaly. *Her haýsynyň meşiginiň düýbünde-de ýeke içerlik suwlary galypdy* (B. Kerbabaýew).

**IÇERMEN**, *syp.* Içmäge meýilli.

**IÇGEÇME** [içğeçme], *at.* Içegeleriň işleýşiniň bozulmagy sebäpli, täretiň suwgalyp, içiň tiz-tizden ýöreme keseli. *Ýazyň başynda çagalarda içgeçme keseli ýüze çykýar. Içgeçme ýokuşanda, körpäniň özüni alyp barşy üýtgeýär* ("Saglyk").

**IÇGI** [içği], *at.* **1**. Içmek üçin suwuklyk. *Alkogolsyz içgiler. Şerbet içgisi. Koka-kola içgisi.* **2**. Düzüminde alkogol bolan arak, çakyr, konýak we ş.m. *Günde içilýän içgi bu keseli has-da beterleşdiripdir* ("Saglyk").

**IÇGILI** [içğili], *syp.* Serhoş ediji alkogolly içgi içen. *Sürüji içgili ýagdaýda ýol hereketini bozýar. Içgili adam.*

**IÇGIN** [içği:n], *hal.* **1**. Janypkeşlik bilen, çyn ýürekden, düýpli. *Täze guruljak ymaratlaryň taslamalary bilen içgin tanyşdy* ("Türkmenistan"). **2**. Mähirli, gadyrly, tüýs ýürekden. *Olar içgin salamlaşdylar*. **3**. Setir, hatar zatda iç tarapyna çekilip duran, hataryň iç tarapynda salnan. *Ho-ol içgin salnan tamyň agzyndaky ak öýde bir goja ýaşaýar.*

**IÇGIN-IÇGIN** [içği:n-içği:n], *hal.* **1**. Has janypkeşlik bilen, çyn ýürekden. *Ýurduň baýlyklary hakynda içgin-içgin gürrüň berýär* ("Watan"). **2**. Gadyrly, mähirli. *Özüm bilen deň-duşlar hem garrylar meniň bilen ýitirip tapan ýaly salamlaşyp, içgin-içgin görüşdiler* (N. Pomma).

**IÇGINLIK** [içği:nlik], *at.* Mähirlilik, gadyrlylyk, ýakynlyk. *– Çaga-çuga hemme saglykmydyr, Aman poşşy! – diýip, Goçmyrat içginlik bilen soraşdy* (A. Gowşudow).

**IÇGINSIREME** [içği:nsireme], *iş ady.* Içginsiremek ýagdaýy.

**IÇGINSIREMEK** [içği:nsiremek], *işl.* Has gadyrly, mähirli bolan bolmak, içgin duran bolmak. *Rahym ýylma aýalynyň beýle içginsiremegine geňirgenip, elini ýuwdy* (O. Ödäýew).

**IÇGOŞ** [içğoş], *at.* Ynsandyr haýwanyň içaşy (garny, içegesi, bagröýkeni we ş.m. agzalary). *Içgoşy çogdurylan, bokurdagy çeýnelen güjük gana bulaşyp ýatyrdy* (B. Kerbabaýew).

**IÇGYSDYRYJY** [içğyssyryjy], *syp.* Aram-takatdan aýyrýan, ýürek gysdyrýan, tukatlandyrýan. *Içgysdyryjy dymyşlyk.*

**IÇGYSGYÇ** [içğysğyç], *ser.* **Içgysgynç**. *Çöl oňa başda içgysgyç ýaly görünse-de, soňabaka öwrenişip gitdi.*

**IÇGYSGYNÇ** [içğysğynç], *syp.* Çolalykdan, gyzyksyzlykdan ýaňa ýüregiňi gysdyrýan, tukat. *Dynç alyş günleri çagasyz mekdebiň bosagasyndan gireniňden bir hili içgysgynç howa kalbyňy eýeleýär* ("Mugallymlar gazeti").

**IÇIGAR** [içiğar], *gepl. d.* Bir zatdan käýinilende, gaharyň gelende aýdylýan söz. *Wah, ýöne şu içigar saça alajym ýok, agaryp gidip barýar* ("Edebiýat we sungat").

◊ **Içigar galan (galmyş)** käýinilende, gaharyň gelende aýdylýan söz düzümi. *Içigar galany şakyrdadyp oturma-da, ýok et-dä!* (B. Kerbabaýew).

**IÇIGARA** [içiğara], *syp.* Birine göriplik, görübilmezçilik edýän, bahyl; erbet niýetli.

**IÇIGARAÇYLYK** [içiğaraçylyk], *ser.* **Içigaralyk**. *Olara päsgel berýänem, içigaraçylyk, göriplik edýänem ýok*.

**IÇIGARALYK** [içiğaralyk], *at.* Birine edilýän göripçilik, göriplik, bahyllyk.

**IÇIGIŞ** [içiğiş], *iş ady.* Awunyş, azar çekiş.

**IÇIGLI** [içiğli], *syp.* Birinden ahmyrly, arly, öçli, gaharly. *Gelin oňa bakan gözüniň gytagyny aýlady, ýaşmagyny çeýnäp, bürenjegini içigli ýaly çekdi* (B. Kerbabaýew).

**IÇIKDIRIŞ**, *iş ady.* Birini awundyryş, azar beriş.

**IÇIKDIRME**, *iş ady.* Birini awundyrma, azar berme.

**IÇIKDIRMEK**, *işl.* **1**. Biriniň tenini awundyrmak, bir ýerini agyrtmak, urmak. *Onuň ogly garagoldy, ýanyna baran çagany içikdirip goýberýärdi*. **2**. *göç.m.* Biriniň işini, arzuw-hyýalyny puja çykarmak.

**IÇIKMEK**, *işl.* **1**. Urulmak sebäpli teniň awamak, awunmak. *Içigen Kyýas bykynynyň yzasyna zordan çydasa-da, syr bermän ýylgyryp goýberdi* (N. Jumaýew). **2**. *göç. m.* Işiň duýdansyz ýagdaýda tersine çözülmegi. *Onuň bar arzuwy puç bolup, içigip galdy.*

**IÇILMEK**, *işl.* Suwuk zatlar owurtlanyp ýuwdulmak. *Çaý içilip başlanansoň, göwünler hem göterilen ýaly boldy* (B. Seýtäkow).

**IÇIM**, *at.* Içmek üçin ýaramlylyk, tagam taýdan ýakymlylyk derejesi. *Gök çaýyň içimi oňat bolýar.*

**IÇIMLIK**, *syp.* Içmek üçin niýetlenen, içer ýaly. *Içimlik suw*.

**IÇINDE** [içinne], Bir ýeriň ýa-da bir zadyň ortasynda, jümmüşinde; belli bir wagt aralygynda, dowamynda. *Az wagtyň içinde gurlan lowurdap duran ymaratlar.*

**IÇINDEN** [içinnen], Bir ýeriň ýa-da bir zadyň ortasyndan, jümmüşinden, arasyndan. *Sil suwy obanyň içinden akyp geçýärdi.*

**IÇIŇDEN** [içiňden], *hal*. Daşyňdan däl-de sessiz, başgalara eşidilmez ýaly edip (*içimden, içiňden, içinden* ýaly ulanylýar). *Ýanyňdakylara päsgel bermejek bolsaň, ýat tutmaly goşgyňy içiňden oka.*

**IÇIRGI** [içirği], *at.* Eýeriň, gaňňanyň ýonasynyň aşagyndan malyň arkasyna atylýan bölek ýumşak keçe. *Ol onuň endamyny içirgi bilen süpürdi, jul salman, çyplaň eýerledi* (B. Kerbabaýew).

**IÇIRGILEMEK** [içirğilemek], *işl.Ata,*ýaba, eşege içirgi salmak, içirgi keçesini malyň arkasyna atmak. *Ol atyny içirgiledi.*

**IÇIRGILENMEK** [içirğilenmek], *işl.* Içirgi salynmak.

**IÇIRGILETMEK** [içirğiletmek], *işl.* Içirgi saldyrmak.

**IÇIRGILIK** [içirğilik], *syp.* Içirgi üçin niýetlenen, içirgi etmäge ýaramly. *Ol içirgilik keçe gözledi.*

**IÇIRILME**, *iş ady.* Suw, derman ýaly zatlary içirme, owurtlama ýagdaýy.

**IÇIRILMEK**, *işl.* Suw, derman ýaly närseleri içirmek, owurtlatmak. *Nähoşa dürli dermanlar içirildi.*

**IÇIRILMEKLIK**, *iş ady.* Suwuklygy içirmeklik, owurtlatmaklyk.

**IÇIRMEK**, *işl.* **1**. Suw, derman we ş.m. zat bermek, owurtlatmak. *Çaga suw içirmek.* **2**. *göç. m.* Birine gep bermek, ýalan-ýaşyryk gürrüňden doýurmak. *Görýän welin, seni kemsiz içiripdirler* (B. Kerbabaýew).

**IÇIŞDIRMEK**, *işl.* Suw we ş.m. suwuk zatlary yzly-yzyna içmek.

**IÇIŞLIK**, *syp.* Çaý, şerap we ş.m. içmek bilen bagly oturylyşyk, içmek üçin gurulýan meýlis. *Olar dostlar bolup çaý içişlige ýygnandylar.*

**IÇIŞME**, *iş ady.* Çaý, şerap ýaly zatlary köpçülik bolup içme.

**IÇIŞMEK**, *işl.* **1**. Bile içmek. *Wah, sakgaldaş, bu jaýda oturyp, bir çäýnek çaý hem içişmän, armanlyja gitdiň-dä* (B. Seýtäkow). **2**. Biri-biriňden kem galmajak bolup içmek. *Biri bilen arak içişmek.*

**IÇIŞMEKLIK**, *iş ady.* Içişmek ýagdaýy.

**IÇIÝANGYNLY** [içiýanğynly], *syp.* Birinden ýa-da bir zatdan gaharly, içi ýanyp duran, ahmyrly, öçli.

**IÇIÝANGYNLYLYK** [içiýanğynlylyk], *at.* Içiýangynly halda bolmaklyk, birinden ýa-da bir zatdan gaharlylyk, içi ýanyp durmaklyk, ahmyrlylyk, öçlülik. *Ol içiýangynlylyk bilen golaýynda duranlara dazaryldy.*

**IÇKI**, *syp.* **1**. Bir zadyň iç ýüzünde, iç tarapynda ýerleşýän, içindäki. *Içki tamyň gapysynda ol ädigini çykaryp, öýe joraply girdi* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Daşky eşikleriň içinden geýilýän geýim. *Hawa, ýeke egnindäki içkisi galdy, onam şu gün agşam ýuwaryn-da* (A. Durdyýew). **3**. Döwletiň, hökümetiň we ş.m. öz içki ýagdaýyna degişli, içerki. *Içki hem daşky işleri ýerbe-ýer etmek aňsat däl.*

**IÇLEKLI** [işlekli], *at.* Içine üwelen ýa-da ownuk dogralan et salnyp bişirilýän çörek görnüşli tagam. *Hemişe içlekli çörek miýesser bolup duranok* (A. Gowşudow).

**IÇLEME** [işleme], *at.* Hamyr ýaýyp, içine dogralan et dykylyp bişirilýän tagamly nahar, içlekli.

**IÇLENMEK** [işlenmek]: **guýrugy içlenmek 1)** guýrugyna ýag ýygnap başlamak, semräp ugramak. **2)** özüňi tutmak (adam hakynda). *Onuň sähel guýrugy içlense, saňa-da, maňa-da rehim etmez* (B. Kerbabaýew).

**IÇLIK** [işlik] **I**, *at.* Geýim-gejimiň, ýorganyň we ş.m. iç ýüzünden tutulýan mata. *Ol begresiniň içligini ýüpekden edipdir.*

**IÇLIK** [işlik] **II**, *at.* Käbir resminamalaryň içine bahalar ýa-da gaýry maglumatlar ýazylyp salynýan ýörite goşmaça kagyz.

**IÇLIKLEME** [işlikleme], *iş ady.* Içliklemek ýagdaýy.

**IÇLIKLEMEK** [işliklemek], *işl.* Içlik etmek, iç ýüzüne içlik tutmak. *Ol dony içlikledi.*

**IÇLIKLENMEK** [işliklenmek], *işl.* Donuň, çäkmeniň, çabydyň içine içlik tutulmak. *Mawut çabyt içliklendi.*

**IÇLIKLETMEK** [işlikletmek], *işl.* Eşige içlik etdirmek. *Ol kürtesini içlikletdi.*

**IÇLIKLIK** [işliklik], *syp.* Içlik üçin niýetlenen, içlik üçin ýaramly. *Ol donuna içliklik mata aldy.*

**IÇME**, *iş ady.* Suwuklygy içmek ýagdaýy.

**IÇMEK I**, *işl.* **1**. Suwuklygyň belli bir mukdaryny owurtlap ýuwutmak. *Çaý içmek. Çal içmek. Suw içmek. Üzümiň suwuny içmek.* **2**. Alkogolly içginiň belli bir mukdaryny owurtlap ýuwutmak. *Arak içmek. Çakyr içmek.* **3**. *Içmek* işliginiň öňünden käbir at sözleri gelip, täze many öwüşginli düzümli işlik ýasalýar: **Derman içmek** derman suwuklyk görnüşinde bolsa, şol durşuna, gaty, poroşok görnüşli bolsa, suw bilen owurtlap ýuwutmak.

◊ **Içen suwy bokurdagyndan (alkymyndan) görnüp duran** *gepl. d.* näzik beden, gaty owadan, görmegeý (aýal maşgala barada). *Ol içen suwy alkymyndan görnüp duran maşgalady.*

**IÇMEK II**, *at.* Goýun derisinden ýüňi iç ýüzüne edilip tikilýän milli eşik, possun. *Sen meniň häzir giň içmege sygman, gabarylyp oturanyma garama* (N. Saryhanow).

**IÇMEKÇE**, *at.* Guşaklyga ýetýän gysga içmek, kelte içmek.

**IÇMEKÇI**, *at.* Içmek tikmek bilen ýörite meşgul bolýan tikinçi ussa. *Içmekçi diýsinler, possunçy diýsinler, ýöne ol öz bahasyny bilýän buýsançly adamdy* (B. Hudaýnazarow).

**IÇMEKLIK**, *syp.* Içmek etmek üçin niýetlenen, içmek tikmäge ýaramly. *Ol bazardan içmeklik deri aldy.*

**IÇPARAWUZ**, *at.* Gaýyk dommalynyň gorumynyň ýokarky erňeginiň iç ýüzünden berklik üçin kakylýan tagta zolak.

**IÇRE** [içire], *k.d.* Içinde. *Il-günüme bagş etdim Zyban içre asalym* (Magtymguly). *Bahar içre niçe zatlar, Owwal gögär, soň gül çykar* (Zelili).

**IÇÝAG** [içýa:ğ], *at.* Malyň we adamyň garnynyň we içegesiniň daşyndaky ýag. *Içýaga gowrulan bagyr.*

**IÇÝAKGYÇ**, *syp.* Janyňa degýän, gaharyňy getirýän, göwnüňe ýakmaýan. *Tüýlek egri burnunyň hanalaryna ýel berip, Seýdiniň üstünden içýakgyç gülüp, öwnüp, şahyra şeýle gyjalat beripdir* (N. Pomma).

**IÇÝAKGYÇLYK** [içýakgyşlyk], *at.* Janyňa degijilik, gaharyňy getirijilik, göwnüňe ýakmazlyk.

**IÇÝAKGYNÇ**, *syp.*, *ser.* **Içýakgyç**. *Onuň ýaly içýakgynçlaram bolýar* (Ö. Abdyllaýew).

**IÇÝAKGYNÇLYK** [içýakgynşlyk], *at, ser.* **Içýakgyçlyk**.

**IÇÝAN** [içýa:n], *at.* Bognaýakly, bogun-bogun guýrugy arkan jaýtarylyp duran, zäherli mör-möjek.

◊ **Gara içýan** içýanyň gara reňkli has zäherli görnüşi. **Sary içýan** içýanyň gögümtil-sary reňklisi.

**IÇÝANAGZY** [içýa:nağzy], *at.* **1**. Bir tarapy açyk dörtburçlugyň burçlaryny birikdirýän atanak çyzylyp, iki adam bolup çöp göçülýän oýun. **2**. Haly önümlerine, egin--eşige arasy üzülýän gözenek şekilli, gyzyl kürtä goçak görnüşinde salynýan nagyş. **3**. Gyrda bitýän otuň ady.

**IÇÝUWMA** [içýuwmo], *at, lukmanç.* Suwuklyk goýbermek arkaly ýogyn içegäni arassalamak. *Käbir iç kesellerini derman ulanmazdan, içýuwma arkaly bejermek bolýar.*

**IDEDIJI** [i:dediji], *at.* Mal-gara esewan bolujy, mal bakýan, mal-gara saklaýan adam. *Hajy aga daşaryk çykylýan gapa ýetýänçä, birnäçe kemçilikleri towuk idedijilere görkezdi* ("Türkmenistan").

**IDEDILMEK** [i:dedilmek], *işl.* Ideg edilmek. *Gowaçalaryň ähli görkezmelere laýyklykda idedilendigi görnüp dur* ("Watan").

**IDEDIŞMEK** [i:dedişmek], *işl.* **1**. Idetmäge kömekleşmek. *Okuwçylar mallary idedişmäge söz berdiler.* **2**. Bilelikde idetmek.

**IDEG** [i:değ], *at.* **1**. Birine ýa-da bir zada edilýän idi, alada, gözegçilik, garaşyk. **2**. Birini ýa-da bir zady tapmak, ele salmak üçin gözleg, agtaryş, aňtaw. *Onsoňam gijöýlänler gerk-gäbe naharlandym-da, agşam şamynyň idegine-de çykmadym* (T. Gurbanow). **3**. *göç.m.* Süýreg, tirkeg, ideklenýän.

**IDEGÇI** [i:değçi], *at.* Gözegçilik ediji, esewan bolujy, ideýji, ideýän adam. *Seniň üçin ýörite idegçi belledim* ("Edebiýat we sungat").

**IDEGLEME** [i:değleme], *iş ady.* Ideglemek ýagdaýy.

**IDEGLEMEK** [i:değlemek], *işl.* Biriniň ýa-da bir zadyň soragyna çykmak, aňtamak, gözlemek, idemek. *Goşundan gaýdyp gelemsoň, sizi idegläp, birnäçe gezek hat ýazypdym* (N. Jumaýew).

**IDEGLENMEK** [i:değlenmek], *işl.* Gözlenmek, soralmak, idegine çykylmak. *Adam diýeniň ideglenip durulsa ýagşy.*

**IDEGLETMEK** [i:değletmek], *işl.* Ideglemegi, gözlemegi birine tabşyrmak, buýurmak. *Baý, özüňi idegledýäň-ow!*

**IDEGLI** [i:değli], *syp.* **1**. Biri tarapyndan gözegçilik, idi, alada edilýän. *Idegli bagyň miwesi hem köp bolýar.* **2**. Gözlenýän, agtarylýan, gereklenýän. *Idegli adam.*

**IDEGLILIK** [i:değlilik], *at.*Idegli bolmaklyk, idegi barlyk, idegsiz dällik.

**IDEGSIZ** [i:değsiz], *syp.* **1**. Idegi ýok, idegli däl, biri tarapyndan garaşyk edilmeýän, ugruna seredilmeýän, intipis edilmeýän, göz-gulak bolunmaýan. *Ker hem lezzet tapmaz asta söhbetden, Idegsiz gezmeklik köre ýaraşmaz* (Zelili). **2**. Agtarylmaýan, indelmeýän, gözlenmeýän, gereklenmeýän. *Tapylgysyz bagşydy, idegsiz güni bolmazdy* ("Edebiýat we sungat").

**IDEGSIZLIK** [i:değsizlik], *at.* **1**. Idegsiz bolmaklyk, idegi ýokluk, idegli dällik, ugruna seredilmezlik. **2**. Agtarylmazlyk, gözlenmezlik.

**IDEG-SORAG** [i:değ-so:roğ], *at.* Bir zady, birini aňtaýyş, gözleg, ondan-mundan soraýyş. *Weli aga, pully nirelere baran bolsaň, şo taýdan ideg-sorag edip gör, nirelere bardyň?* (A. Durdyýew).

**IDEKLEMEK** [i:deklemek], *işl.* Birini yzyňa düşürip ýörmek, malyň bagyndan ýa-da biriniň syýyndan tutaklap ýörmek.

**IDEKLEŞMEK** [i:dekleşmek], *işl.* Birini yzyňa düşürip ýörmek, ýöremek. *Näme idekleşip ýörsüňiz?*

**IDEKLETMEK** [i:dekletmek], *işl.* Ideklemegi başga birine etdirmek, ideklemäge ýol bermek. *Sen haçana çenli özüňi idekledip ýörjek?*

**IDELMEK** [i:delmek], *işl.* Soralmak, gözlenmek. *Idelýän zat arzylydyr.*

**IDEME** [i:deme], *iş ady.* Ideglemek ýagdaýy.

**IDEMEK** [i:demek], *işl.* **1**. Ideg etmek, ugruna seretmek, garaşyk etmek, alada etmek, göz-gulak bolmak. **2**. Birini, bir zady gözlemek, agtarmak, gereklemek. *Adamlar seni idäp dursa, sen olary idäp dursaň – bu nähili gowy!* ("Edebiýat we sungat").

**IDENEKLEMEK**, *işl.* Baş aýlanmak, deňagramlylygyňy ýitirmek zerarly entäp gitmek, entireklemek, büdräp, öňe tarap ümzük atmak. *Daşa büdredim-de, idenekläp gitdim.*

**IDENEKLEŞMEK**, *işl.* Iki ýa-da köp bolup ideneklemek, entirekleşmek. *Nämä ideneklesip ýörsüňiz!*

**IDENEKLETDIRMEK**, *işl.* Ideneklemek işini başga birine tabşyrmak.

**IDENEKLETMEK**, *işl.* Itip ýa-da özüňe tarap çekeläp entirekletmek, südenekletmek, zor bilen itekläp ýöretmek.

**IDEOGRAFIÝA** [ideogra:fiýa], *at, dil b.* Ideogrammanyň kömegi bilen ýazylýan hat.

**IDEOGRAMMA** [ideogra:mma], *at, dil b.* Bir diliň aýry-aýry seslerini däl-de, onuň sözlerini görkezýän şertli ýazuw belgisi.

**IDEOLOGIÝA** [idiýolo:giýa], *at.* Sosial toparlaryň bähbitlerini aňladýan syýasy, hukuk, filosofik, ahlak, dini, estetik ideýalaryň we garaýyşlaryň ulgamy. *Şu gün biz ideologiýa işini alyp barmagyň iň möhüm meselelerini maslahatlaşmak üçin köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň orny hakynda we olaryň jemgyýeti kemala getirmekdäki, şeýle hem häkimiýetiň we ýurdumyzyň abraýy hem-de olar baradaky garaýyşy berkitmekdäki wezipeler barada geňeşmegi makul bildik* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Döwlet adam üçindir", 3 s.).

**IDEŞMEK** [i:deşmek], *işl.* **1**. Iki ýa köp bolup ideg-sorag etmek. **2**. Idemäge kömek etmek. *Menem ideşdim weli, derek tapyp bilmedik.*

**IDETDIRMEK** [i:detdirmek], *işl.* Idetmek işini başga birine etdirmek. *Ýaş göleleri idetdirmäge bermek.*

**IDETME** [i:detme], *iş ady.* Idemek-soramagy birine tabşyryp, buýrup etdirme.

**IDETMEK** [i:detmek], *işl.* **1**. Idemek, gözlemek işini başga birine etdirmek. *Men seni köp ýerden idetdim*. **2**. Birine ýa bir zada esewan bolmak, göz-gulak bolmak, ekläp-saklamak, ugruna seretmek, gözegçilik etmek. *Ýüpek gurçugyny idetmek möwsümine hemmetaraplaýyn taýýarlyk* görüldi ("Watan").

**IDEÝA** [ide:ýa], *at.* **1**. Nazaryýet ulgamynyň, şol sanda dünýägaraýşyň esasynda ýatýan kesgitleýji düşünje. *Täze Garaşsyzlyk döwrüniň ideýalarynyň dabaralanmagy.* **2**. Öňe sürülýän pikir. *Çeper eseriň ideýasy*.

**IDI** [i:di], *at.* **1**. *ser.* **Ideg 1**. *Olar zähmetsöýer işçileriň mähirli idisi bilen birkemsiz boý alypdyrlar, birkemsizem hasyla durjakdyr* (N. Baýramow). **2**. Terbiýe, görüm-görelde. *Ol idi görmedik oglan-a däl ýaly.*

**IDIBERMEK** [i:divermek], *işl.* Idip başlamak, itmegi dowam etdirmek.

**IDILI** [i:dili], *syp.* **1**. *ser.* **Idegli 1**. *Idili agaç gün-günden ösýärdi.* **2**. Derekli, ugurly, oňly, göwnejaý. *Ondan idili zada garaşamok.*

**IDILIK** [i:dilik], *at.* Gowulyk, oňlulyk.

**IDILIRÄK** [idilirä:k], *syp.* Derekliräk, oňlurak. *Aýtjak bolsaň-a, idiliräk edip aýt, bolmasa-da işime turjak* (H. Garabaýew).

**IDILMEK** [i:dilmek], *işl.* Idilip äkidilmek. *Idilip gelenden soň töwereginde gaýmalaşýanlara gözlerini tegeläp ýalt-ýult garady*.

**IDIN** [idi:n], *at.* Ygtyýar, rugsat, jogap. *Gitmäge idin almak*.

**IDINLI** [idi:nli], *syp.* Rugsatly, ygtyýarly, jogaply. *Nirä gitseň, eneň-atańdan idinli gitgin!*

**IDINLILIK** [idi:nlilik], *at.* Bir işi etmäge ygtyýarlylyk, rugsatlylyk.

**IDINSIZ** [idi:nsiz], *syp.* Ygtyýarsyz, bidin, rugsatsyz. *Bardy-geldi, üýtgeşik zat bolaýsa, ol ony "Allanyň emri bilen bolýandyr, şondan idinsiz çöp başy gymyldamaz" diýip düşündirýärdi* (N. Esenmyradow).

**IDINSIZLIK** [idi:nsizlik], *at.* Bir işi etmäge rugsatsyzlyk, ygtyýarsyzlyk, jogapsyzlyk.

**IDIRDETMEK**, *işl.* Öz erkine goýman iteneklemek, birini güýç bilen itekläp südeneklemek, bir ýerinden tutup idirdikletmek.

**IDIRDIKLETMEK**, *işl.*, *ser.* **Idirdetmek**. *Ony idirdikledip äkitdiler* (A. Nazarow).

**IDISIZ** [i:disiz], *syp.* **1**. *ser.* **Idegsiz**. **2**. Terbiýesiz, görüm-göreldesiz, ugursyz, dereksiz.

**IDISIZLIK** [i:disizlik], *at.* **1**. *ser.* **Idegsizlik**. **2**. Tertipsizlik, görüm-göreldesizlik, ugursyzlyk, dereksizlik.

**IDIŞ** [i:diş], *iş ady.* Itmek ýagdaýy.

**IDIŞMEK** [i:dişmek], *işl.* **1**. Itmäge kömekleşmek. *Düýesi adamçy bolansoň, men oňa ony idişmeli boldum*. **2**. Bilelikde itmek. *Oglanlar düýelerini idişip barýardylar*.

**IDI-YSSYWAT** [i:d(i)-yssuwa:t], *at.* Ideg, gözegçilik, garaşyk (iým bermek, suwa ýakmak we ş.m.). *Ak sakgally ýaşuly ertir at çapyşygy bar diýlen gijesi öňlerem rahat ýatyp bilmezdi, atyna idi-yssywat edip, ertirki boljak zatlary serinde aýlap geçirerdi* (O. Ödäýew).

**IFLIS** [ifli:s], *at, ser.* **Üflis**.

**IG** [i:ğ], *syp., taryh.* Sap ganly, garnuwy bolmadyk, garnuwsyz, garynjasyz (türkmenler hakynda). *Molla boldy her öň ýeten nadanlar, Igi, guly hoja çata başlady* (Magtymguly).

**IGDE** [iğde], *at.* **1**. Inçe çal ýaprakly miweli uly agaç. *Suwly ýabyň gyralaryny bolsa igdedir tut agaçlary tutup otyrdy* (A. Durdyýew). **2**. Şol agajyň daşy gyzyl gabykly, içi şänikli miwesi. *Haltasyndaky kişdedir igdeleriň ýekejesini-de goýman, çagalara hem ululara paýlap berdi* (N. Pomma).

◊ **Igdäň aşagyndan geçen ýaly** ugursyz-utgasyz gürleýän, kellesi sämän ýaly samsyklaç gürleýän. **Igdäniň aşagynda ýatan ýaly bolmak** akyly üýtgän ýaly bolmak. **Igdeden gaçan ýaly** egin-eşigi pes, üst-başy ýaramaz geýnen, gerekli derejede geýinmedik.

**IGDELEMEK** [iğdelemek], *işl.* Igde getirmek, igde düwmek. *Bu igde oňat igdeläpdir.*

**IGDELIK** [iğdelik], *syp.* Igde agajynyň köp gögerip oturan ýeri. *Olar igdelikden daşrakda düşlediler.*

**IGDEÝAPRAK** [iğdeýapyrak], *at.* Gawunyň bir görnüşiniň ady.

**IGDIŞ** [i:ğdi:ş], *syp.* Sap tohum gylýaldan bolan. *Igdiş atlaryň işi haýyr, olar üme-dile düşýär* (S. Myradow).

**IGE** [i:ğe] *at, teh.* Metal gurallary ýiteltmek, ýylmamak, byçgy, ary ýaly senetlere diş kesmek üçin ulanylýan, ýüzi iri ýa-da ownuk dişli polat gural. *Üçburç ige. Togalak ige. Ýasy ige. Dörtburç ige.*

◊ **Igäňi süýkemek (sürtmek)** birine bir zat üçin igenip irizmek, gyjalat berip, ýürege düşmek.

**IGELEME** [i:ğeleme], *iş ady.* Igelemek ýagdaýy.

**IGELEMEK** [i:ğelemek], *işl.* Ige çalyp ýiteltmek, ýonmak, ýylmamak. *Ýüzi gaýdyşan pili ilki igeläp, yzyndanam çalgydaş ýöretdi.*

**IGELENMEK** [i:ğelenmek], *işl.* Igeläp ýiteldilmek. *Igelenip ýiteldilen pyçak.*

**IGELEŞDIRMEK** [i:ğeleşdirmek], *işl.* Gurallaryň birnäçesiniň ýüzüni (tygyny) igeläp çykmak, ýiteldişdirmek. *Pyçakdyr keserleri igeleşdirdiler.*

**IGELEŞMEK** [i:ğeleşmek], *işl.* **1**. Igelemäge kömekleşmek. **2**. Bile igelemek.

**IGELETMEK** [i:ğeletmek], *işl.* Igeleme işini birine buýrup, tabşyryp etdirmek. *Pyçagy ussa igeletdirmek.*

**IGENÇ** [i:ğenç], *at.* Bir iş ýa-da bir zat üçin bildirilýän nägilelik, närazylyk üçin aýdylýan iňirdi, käýinç. *Onuň igenç baryna ezilip, ejizlän ýüregi uly iňkise gitdi* ("Watan").

**IGENÇLI** [i:ğenişli], *syp.* Iňirdili, käýinçli. *Ol hem ýassygy dyzynyň aşagyna salyp, dikelip oturdy, ýoldaşyna igençli göz bilen garady* (B. Kerbabaýew).

**IGENÇSIZ** [i:ğenişsiz], *syp.* Iňirdisiz, käýinmän. *Toýy igençsiz, öýke-kinesiz sowaýmak hem aňsat däl.*

**IGENDIRMEK** [i:ğennirmek], *işl.* Birini igenmäge iteklemek. *Ony igendirmek niýeti bilen maňa göz gypdy.*

**IGENJEŇ** [i:ğenjeň], *syp.* Bir zatdan nägile, närazy bolup iňirdegen, başga birine käýinýän, iňre. *Ol gaty igenjeň adam.*

**IGENJEŇLIK** [i:ğenjeňlik], *at.* Nägilelik, närazylyk bildirip iňirdegenlik, käýinjeňlik, iňrelik. *Igenjeňlik aşa bolanda, şägirdiň halypadan öýkeläýmegide mümkin* ("Edebiýat we sungat").

**IGENIŞIK** [i:ğenşik], *at.* Biri-biriňe iňirdeýiş, özara nägilelik bildiriş. *Ýerliksiz igenişik käte döwletli işleriň hem ilerlemegine päsgel berýär* ("Watan").

**IGENIŞMEK** [i:ğenişmek], *işl.* Bilelikde igenmek. *Işlemän birek-birege igenişmegiň ýa-da öýke etmegiň geregi ýok* ("Nesil").

**IGENMEK** [i:ğenmek], *işl.* Bir iş üçin nägilelik bildirmek, närazylyk bilen iňirdemek, zeýrençli käýinmek. *Mülküniň nirä gidenini aýtmandygy üçin, gaýyn enäniň kiçi gelnine igenesi geldi* (O. Ödäýew).

**IGEŞIK** [i:ğeşik], *at, ser.* **Igenişik**.

**IGIMAJY** [i:ğima:jy], *syp.* Öwrendekli, zol gaýtalanýan kesel.

**IGIN** [iğin], *at.* Goýun, geçi ýaly mallar guzusyny, owlagyny almadyk mahalynda, guzlan malyň ak etini duz bilen myňçgamak arkaly geçirilýän çäre.

**IGINDIRMEK** [iğinnirmek], *işl.* Birini iginmäge mejbur etmek.

**IGINME** [iğinme], *iş ady.* Çygylma, bedeniňe zor salma.

**IGINMEK** [iğinmek], *işl.* Agyr ýük götermek ýa-da güýç talap edýän zähmet, çydamsyz agyry zerarly çygylmak, içegeleriňe, damarlaryňa zor salmak. *Oba lukmany iginmegiň nähili zyýanlydygyny sadaja mysallar arkaly düşündirdi* ("Saglyk").

**IGLEME** [i:ğleme], *iş ady.* Arryklama, horlanma ýagdaýy.

**IGLEMEK** [i:ğlemek], *işl.* **1**. Kesel, çyrçyk zerarly horlanmak, süňk bolup galmak. *Çyrçyklamda ýüplük ýaly igläpdim, Maňa öz ganyňdan siňdiripdiň sen* (B. Hudaýnazarow). **2**. Iýmit, şöhle, suw, bejergi ýetmezligi sebäpli, boý alman galmak, eýikmän ösüşden galmak. *Ýakynrak baryp seretseň, şol haşal otlaryň aşagynda igleşip oturan gowaçalara gözüň düşýär* ("Türkmenistan"). **3**. Köp ulanylmagy sebäpli öňki durkuny ýitirmek, iýlip inçelmek (metal gurallar hakynda). *Pyçak igläpdir*.

**IGLETMEK** [i:ğletmek], *işl.* **1**. Arryklatmak. *Inçekesel ony halys igledipdir. Haşal otlar sogany igledipdir.* **2**. *göç. m.* Iňirdäp ýadatmak, igenip ýürege düşmek. *Daýhanyň höwesini igledýän üznüksiz zähmet däl-de, hasylyň yrýa edilmegidir* ("Watan").

**IGLI** [i:ğli], *syp.* **1**. Näsaglyk we iýmit ýetmezligi sebäpli horlanan, arryklan, iglän. **2**. Iýmit, şöhle, suw ýetmezligi sebäpli ösmän, eýikmän galan. *Iglije gowaçalary aýyrmaly*. **3**. Köp ulanylyp agzy iýlen, inçelen. *Ol dil ýaly süýnmejik garaja daşa igli päkisini çalyp oturan ekeni* (N. Pomma).

**IGLIK** [i:ğlik], *at.* Garnuwsyzlyk, garyndysyzlyk.

**IGLILIK** [i:ğlilik], *at.* **1**. Ýarawsyzlyk sebäpli örän hor ýagdaýa düşmeklik (köplenç, çaga hakynda). *Onuň iglilikden gözi açylmady.* **2**. Gowy ösüp bilmän, göýdük bolup oturanlyk. *Gowaçalaryň igliligi görnüp dur.*

**IHTIOLOGIÝA** [ihtiýolo:giýa], *at.* Zoologiýanyň balyklary öwrenýän bölümi.

**IJAN** [i:ja:n], *at.* Künji soka salnyp, az-kem döwlenden soň böleklenen kak bilen bilelikde döwlüp ýasalan logala şekilli iýmit.

**IJI** [i:ji], *at,lukmanç*. Adamyň beden öýjüklerini çüýredýän kesel, düşen ýerini iýýän suwly baş.

**IK** [i:k], *at.* Ýüňden, pamykdan ýüplük egirmek üçin ýokarsy dilik gözli ýönekeýje gural. *Ik egirmek.*

◊ **Ik ýaly bolmak** horlanmak, eti-gany dökülmek.

**IKARA** [ika:ra], *at.* Iki ýeriň, iki zadyň arasy, aralygy.

**IKARADA** [ika:rada], Bir zat tamamlanyp, ikinji bir zat başlanmanka ýüze çykýan wagt. *Şol ikarada traktorçy ýigit ulag gerekdigini aýtdy.*

◊ **Ikarada derde (azara) galmak** iki adam arasyndaky iş, waka we ş.m. zerarly üçünji şahsyň galýan ýaramaz ýagdaýy.

**IKARALYK** [ika:ralyk], *at.* **1**. Bir iş, waka bilen ikinji bir iş, waka aralygy, şol aralykdaky wagt, pursat, daşlyk, giňişlik. **2**. Wagt taýdan belli iki zadyň arasy, aralygy.

**IKATÝOK** [ikatýo:k], *at.* Kepderi ýaly ululykda, goňrumtyl reňkli, ýumurtgasyny beýleki guşlaryň höwürtgesinde guzlaýan guş. *Ol gumrynyň höwürtgesindäki ýumurtgalaryň içinden ikatýok ýumurtgasyny dessine saýgardy* ("Güneş").

◊ **Ikatýoga dönmek** gürrüňdeşiňi irizip, diýýän sözüňi goýar ýerde goýman aýdyp oturmak. *"Maňa pylan zat gerek, pismidan" diýip, ikatýoga döndüň-le!?*

**IKBAŞ** [i:kbaş], *at.* Igiň aşaky ujuna geýdirilýän üsti ýasy, aşagy çowly, ortasy deşik enjam. *Tilki dost, goý aglama, ikbaş bilen igiňi beräýeris – diýip, oňa bir ikbaşly ik berip, ýola salypdyrlar* ("Türkmen halk ertekileri").

**IKELLÄP** [ikellä:p], *hal.* Durky bilen, tutuşlygyna. *Halk köpçüligi bu toýlaryň tertip-düzgünli geçirilmegini ikelläp goldady* ("Watan").

**IKI**, *san*. **1**. 2 belgisiniň ady we onuň aňladýan sany. *Olar netijeli hyzmatdaşlyga geçmek üçin iki halkyň erk-islegi gerek diýen bir pikiri aýtdylar* ("Watan"). **2**. Mekdepde sapagyna ýetişmeýän okuwça berilýän baha. *Edebiýatdan iki alan okuwçy bizde ýok.*

◊ **Iki aşdan (toýdan) galmak** bir oňa, bir muňa hyýal edip, ikisinden hem galmak, köpe kowalaşyp, azdan galmak. **Iki at depişer, arasynda eşek öler** güýçlüler çaknyşsa, ejiz heläk bolar. **Iki aýagyny bir gonja salmak** howlukdyrmak, gyssamak. **Iki aýakly** *gepl.d.* adam. *Onuň bilenini iki aýakly hem bilmez*. **Iki aýakly iki günde** eýläňi-beýläňi bakmankaň ýetişmek, kemala gelmek (çaga hakda). **Iki barmagyňy burnuňa sokmak** boş gelmek, hiç zatsyz gaýdyp gelmek. **Iki barmak ýaly 1)** örän kiçi, ujypsyz, az. *Ol saçakdan iki barmak ýaly çöregi döwüp aldy.* **2)** gysgajyk, birnäçe sözden ybarat (hat barada). **Ikibaşdan** oňi-soňy, barybir, ahyrsoňy. *Gaçmasam-da, men munda, Hemişelik galmaly. Näme bolsa, şol bolsun, Iki başdan ölmeli* (A. Kekilow). **Iki bolup bilmezlik** çenden gaty begenmek, çakdanaşa şatlanmak. **Iki bolup bire degmez** iki sany iş başarmaýan, nalajedeýinler, emelsizler. *Eý-ý, gardaşlar! Iki bolup bire degmezler! Iki bolup, bir çagany oňaraňzokmy?!* (B. Kerbabaýew). **Iki bükülmek** biriniň öňünde öz mertebäňi kiçeltmek, ýalynjaňlyk etmek, ýaýaplamak. **Iki egninden dem almak** halys tapdan düşmek, dem almasy kynlaşmak, ölümiň öňüsyrasynda ýatmak. **Iki egninden gum sowurmak** bir zady haýýarlyk bilen boýun almazlyk, kes-kelläm garşylyk görkezmek. **Iki egnini gysmak** bilmezlik, düşünmezlik. **Iki el-de, bir aýak** başagaý. **Iki elini boş goýmak** doly ygtyýarly etmek, öz erkine goýmak. *Myhmanyň öňünde aş goý, iki elini boş goý* (Nakyl). **Iki elläp** doly, bütinleý, garşylyksyz, ýaýdanman. *Bike eje onuň ähli aýdanlaryna iki elläp razy bolupdyr* (N. Pomma). **Iki erni bir ýere gelmezlik** şatlanmak, gülmek. **Iki gat** göwreli. **Iki gepiniň birinde** häli-şindi, tiz-tiz gaýtalama. **Iki göwünli** ýaýdanyp, belli bir karara gelip bilmeýän, göwni bölek, ikirjiňlenýän. *Iki göwünli adam. Iki göwünli bolmak.* **Iki gözi ýolda galmak** biriniň gelerine köp wagtlap garaşmak, gözi ýolda galmak. *Ogluna garaşyp, enäniň iki gözi ýolda galdy.***Iki gözüň dört bolmak** öýlenmek, gelin almak. *Görogly agamyz gelýär, onda-da iki gözi dört bolup gelýär* ("Görogly"). **Iki hasap bir otuz** barybir. **Iki jähennemiň owarrasy** ne eýläk, ne beýläk, belli bolman galmaklyk, ikaralyk, içýakanlyk. *Biziň bu bolşumyz iki jähennemiň owarrasy bolýar* (B. Seýtäkow). **Ikini islemez ýaly etmek** bir iş eden adama gaýtawul berip, ikilenç şeýle zada baş goşmaz ýaly etmek. **Iki oduň (daşyň) arasynda galmak** iki meseläniň haýsy birine ýykgyn etjegini bilmän, arada janserek bolup galmak, näme etjegiňi bilmän kösenmek. **Iki oýnam** sekiz sany. *Iki oýnam köke*. **Iki sözüň başyny çatyp bilmezlik** gowy gepläp bilmezlik, diýesi gelýän zatlaryny ýerbe-ýer aýdyp bilmezlik. *Iki sözüň başyny çatyp bilmese-de, ile gep öwretjek bolýar.* **Iki tarapyny deňlemek** näme bolsa, şol bolsun etmek. **Iki üzüp, bir ýalmamak** ýom-ýok etmek, lak-luk atmak. *Şunça salam bermedik bolsaň, iki üzüp bir ýalmardym* ("Türkmen halk ertekileri"). **Iki ýanyňy deňlemek** *ser.* **Iki tarapyny deňlemek.**

**IKIBAKA** [ikivaka:], *at.* Eýläk-beýläk, ol ýana, bu ýana, ol tarapa, bu tarapa.

**IKIBIR** [ikivi:r], *at.* Iki bolup, iki-ikiden. *Ikibir gol tutuşyp gezmek.*

**IKIBIR-IKIBIR** [ikivi:r-ikivi:r], *at.* Iki-ikiden, iki-iki bolup, iki-ikiden goşulyp. *Ol ýerde ikibir-ikibir*

*atlar goşular, çapýan atlaryň tozany asmana galar* (A. Gowşudow).

**IKIÇÄK** [ikiçä:k], *at.* Diňe iki bolup, iki adam bolup, biri bilen bile. *Olar öýde ikiçäk galdylar*.

**IKIÇÄKLIK** [ikiçä:klik], *at.* Diňe iki bolup, biri bilen ýekelikde.

**IKIDILLI**, *syp.* **1**. Gepi iki çykýan, bir sözünde durmaýan. *Ikidilli biwepadan dön, göwnüm* (Halk aýdymyndan). **2**. *sazç*. Süýkelip çalynýan iki kirişli saz guraly (bu saz guralynyň daşky görnüşi dutara meňzeş bolup, onuň perdeleri bolmaýar).

**IKIGOŞMA** [ikiğoşma], *at.* Iki hatar gaşly bilezik. *Ikigoşma bilezik aldym*.

**IKI-IKIDEN**, *hal.* **1**. *ser.* **Ikibir-ikibir**. *Agşam ýaşulular iki-ikiden ýygnanyp başladylar.* **2**. Jübüt-jübütden, goşa-goşadan. *Iki-ikiden sanamak*.

**IKILEMEK**, *işl.* **1**. Bir işi bileleşip etmek, biri bilen arkalaşykly hereket etmek, iki bolup işlemek. *Mellegi ikiläp, uzyn günde zordan depip boldular.* **2**. Biriniň daşyna iki bolup geçmek, iki adam bolup birini ara almak. *Olar Orazy küştde ikiläp utdular*.

**IKILENÇ**, *hal*. **1**. Ikinji gezek, gaýtadan, ýaňadan, ýamaşgan. *Ikilenç bu işi gaýtalama*. **2**. Mundan beýläk, gaýdyp, dagy-duwara. *Şuny urup bilmesem, men ikilenç elime tüpeň almaryn*.

**IKILENJI**, *san, gepl. d., ser.* **Ikinji**. *Gar ikilenji gün ýagýardy*.

**IKILÄN-ÜÇLÄN** [ikilä:n-üşlä:n], *san.* Iki-üçden, iki ýa-da üç bolup. *Gowaçanyň içinde daýhan köp bolmasa-da, her ýerde ikilän-üçlän işläp ýörenlere göz ilýärdi* (B. Kerbabaýew).

**IKILÄN-ÝEKELÄN** [ikilä:n-ýekelä:n], *san.* Azda-kände, ýek-tük; käbir. *Ol ýaşulynyň sözüne gulak gabardanlaram ikilän-ýekelän ýok däldi* ("Edebiýat we sungat").

**IKILIK**, *at.* **1**. 2 san bilen aňladylýan haýsydyr bir zadyň ady. *Ikilik awtobus*. **2**. Käbir zatlaryň ölçegini görkezýän san. *Ikilik galoş*. **3**. *göç.m.* Wepasyzlyk, ikiýüzlülik; göwni böleklik. *Ölse Mätäjiden ikilik çykmaz, Tapylmaz sözümde zerre ýalan, ýar* (Mätäji). **4**. Ýetişigiň bäş bally ulgamynda "kanagatlanarsyz" baha. *Bäşimiň şu gün iki sany ikilik alyp geleni ýadyna düşdi* (Ö. Abdyllaýew). **5**. Oýnalýan iki gülli kart. *Haç ikilik.*

**IKILIKÇI**, *at.* Kanagatlanarsyz, ýaman, erbet okaýan okuwçy, sapagyna ýetişmeýän okuwçy. *Içimizde ikilikçi ýok.*

**IKINDI** [ikinni], *at.* **1**. Gün ýaşmazynyň öň ýanyndaky wagtyň ady. *Gün ikindi boldy*. **2**. Yslam dininde parz hasaplanýan bäş wagt namazyň üçünjisiniň okalýan wagtynyň we şol namazyň ady. *Ikindi namazy*. *Ikindisini okady.*

**IKINDIN** [ikinni:n], *hal.* Ikindi bolan wagty. *Bir gezek men ikindinler seýilgähe bardym*.

**IKINDINARA** [ikinni:na:ra], *hal.* Ikindi töwerekleri, ikindi aralaşanda, ikindinler.

**IKINJI**, *san*. **1**. 2 sanyndan ýasalan tertip san. *Ikinji duralga.* **2**. Ähmiýeti boýunça esasy bolmadyk. *Ikinji derejeli wezipe.***3**. Hili boýunça birinji bolmadyk. *Ikinji sort çaý.* **4**.Birinjiniň, hakykynyň ornuny tutýan. *Ikinji Watan.* **5**. Birinji nahardan soň berilýän nahar. *Ikinji nahar üçin palaw bişirmek*. **6**. *göç.m.* Beýleki, özge, başga. *Ikinji biri: "Ölen-ýiten bolmadyk bolsa ýagşy" diýip, sorag hökmünde gürledi* (A. Gowşudow).

◊ **Ikinji gün** *gepl. d.* Sişenbe.

**IKINJIDEN**, *san*. Sözde sanalyp geçilýän närseleriň, wakalaryň, hadysalaryň ikinji nobatynyň nygtalmagyny aňlatmak üçin ulanylýan giriş sözi.

**IKINJILIK**, *at.* Hili boýunça birinji dällik, ikinji orna mynasyplyk. *Uly çapyşykda onuň aty ikinjiligi aldy*.

**IKIRJIŇLEME**, *iş ady.* Bir zada ikigöwünli bolma, ýaýdanma.

**IKIRJIŇLEMEK**, *işl.* Ikigöwünli bolmak, belli bir karara gelip bilmän ýaýdanmak, aýgyt edip bilmezlik, töwekgellik etmän böwrüni diňlemek.

**IKIRJIŇLENMEK**, *işl.* Ikigöwünli bolmak, ýaýdanmak.

**IKIRJIŇLEŞMEK**, *işl.* Bilelikde iňkise gitmek. *Ýeri, ikirjiňleşip oturmaň-da, işiňiz bilen boluň!*

**IKIRJIŇLETMEK**, *işl.* Ikirjiňlemäge, ýaýdanmaga, iňkise gitmäge mejbur etmek. *Gitjek ýolunyň garaňkylygy ony biraz ikirjiňletdi* (B. Kerbabaýew).

**IKISI**, *çal*. Göz öňünde tutulýan iki adam. *Onuň ogullarynyň ikisi-de şäherde ýaşaýar*.

◊ **Ikisi iki ýerden** ikisi-de birden, ikisi bilelikde. *Olaryň ikisi iki ýerden meniň üstüme gygyryp başlady*.

**IKITARAPLAÝYN**, *syp.* Ikiýanlaýyn, ikaralaýyn.

**IKIÝAN** [ikiýa:n], *at.* Iki tarap, iki ýüz, iki gapdal, bir zadyň eýlesi-beýlesi. *Saçlarynyň ikiýan çekgesinden ýaňy ak görnen peşeneli aýal bu gün Aýsoltanyň gözüne örän mähirli göründi* (B. Kerbabaýew).

◊ **Ikiýan gitmek** begenjine bir eýläk, bir-de beýläk ylgamak. *Oglanjyk begenjinden ikiýan gidýärdi*.

**IKIÝANLAÝYN** [ikiýa:nlaýyn], *hal.* Iki taraplaýyn. *Ol şol hereketini ikiýanlaýyn dowam etdirdi* (B. Kerbabaýew).

**IKIÝAŞAR**, *at.* Iki ýaşyny dolduran, üç ýaşyna giden (düýe we beýleki mallar barada). *Onuň ikiýaşar maýasy bardy.*

**IKI-ÝEKE**, *san*. **1**. Käbir, birnäçe, ýek-tük. *Iki-ýeke gijä galanlar gyssanmaç ýöreýärdiler* (B. Kerbabaýew).

**2**. Seýrek, selçeň, ýek-ýarym. *Gara saçyndan iki-ýeke ak görünmegine garaman, ýakasynyň bejerigi ýaş gelniňkiden-de haýbatlyrakdy* (B. Kerbabaýew).

◊ **Iki-ýeke basmak** göwünli-göwünsiz, käte bir basyp ýöremek, assa basyp, ýuwaş ýöremek. *Ol iki-ýeke basyp, howla girdi*.

**IKIÝÜZLI** [ikiýüzlü], *syp.* Iki sany gapma-garşy alamaty özünde jemleýän häsiýetli, her kime bir söz berýän, ikidilli. *Iki ýüzli adam*.

**IKIÝÜZLÜLIK** [ikiýüzlülük], *at.* Ikiýüzli häsiýetlilik, ikiýüzli bolmaklyk. *Ol hiç kimden ýüz görenok, ol ýaranjaňlyk we ikiýüzlülik hem edip bilenok* (R. Alyýew).

**IKIÝYLÇY**, *at.* Iki ýyl synpynda galan okuwçy. *Ikiýylçylaryň bolmazlygy üçin çalyşmaly* ("Mugallymlar gazeti").

**IKIÝYLLYK**, *syp.* Iki ýyl möhletli, iki ýyl dowam edýän. *Ikiýyllyk gulluk.*

**IKSELIK** [i:kselik], *at.* Ik, ikbaş we ş.m. salynýan uzynja torbajyk.

**IKUÇLULYK** [iku:şluluk], *at.* Näbellilik, gümürtiklik, gümanalyk, anyk dällik.

**IKUÇLY** [iku:şly], *syp.* Näbelli, gümürtik, gümana, anyk däl.

◊ **Ikuçly däl** anyk. *Ondan iki esse artyk borçnama ýazylanam bolsa, ýerine ýetiriljekdigi ikuçly däl* (Ş. Borjakow).

**IKUÇSUZ** [iku:şsuz], *syp.* Gutarnykly, hökmany, gürrüňsiz, gümürtiksiz. *Türkmen halkynyň gelejeginiň eşretli günlerdigi ikuçsuzdyr* ("Watan").

**IL** [i:l], *at.* **1**. Halk, ilat, adamlar, köpçülik. *Iliň güýji – siliň güýji* (Nakyl). *Mert ogludyr, ile ýazar desterhan, Dogry söz üstünde berer şirin jan* (Magtymguly). *Bu günki halal zähmetiň hözirini görýän mülkdarlarymyz hem maldarlarymyz özleriniň il bähbitli, ýurt bähbitli haýyrly işleri bilen tanalýar* ("Watan"). **2**. *göç.m.* Watan, ýurt, mekan, mesgen. *Ilim üçin şirin jandan geçer men* (Seýdi). **3**. *göç.m.* Keseki, özge, başga kişi (köplenç, özüňe degişli bolmadyk zat babatynda ulanylýar). *Hem-de ile at dakman, Öz kemiň görgün hökman* (P. Körpäýew). *Iliň zadyny aljak bolma.*

◊ **Il biri bolmak** il ýaly bolup gezibermek. *Ol aýtdy: "Gutlymyrat, saňa ýene bir at alyp bererdim. Emma şu wagt başyma gaý wagtym boldy. Entek sen şu sozany al-da, il biri bol" diýdi* (A. Gowşudow). **Il bolmak** dostlukda ýaşamak, agzybir bolmak. *Ýagşy söze uçar guşlar il bolar, Ýaman söze peşe güýji pil bolar* (Magtymguly). **Ilden çykmak** erbet iş edip, iliň gözünden düşmek, köpçüligiň ýigrenjine duçar bolmak, ile sygmaýan erbetlik etmek. **Il deňinde** il ýaly, iliň edişi ýaly, il-günden saýlanman, öz wagtynda. *– Oglum, kino gitseň git welin, il deňinde gelgin.Ol ogluny il deňinde öýli-işikli etmek isleýärdi.* **Ile göz bolmak** wejera bolmak, masgara bolmak, bellentgi bolup durmak, görene göz bolmak, bolşuňdan artyk görünjek bolmak. *Köpçülikde arak içip, ile göz bolup durmaň näme?!* **Ile gürrüň bolmak** il içinde özüň hakda ýaramaz gürrüň ýaýramak, gybatyň edilmek.*Kimiň ýersiz-ýere ile gürrüň bolasy geler?* **Ile meňzeş etmek** özbaşyna öýli-işikli etmek, öýermek. *Görogly seni öýerip, ile meňzeş etdi* ("Görogly"). **Il hatary** (**etmek**) il hatarynda, il deňinde. *Ýaňyja uly gyzymyzy il hatary durmuşa çykardyk* (H. Meläýew). **Il ogly** ile hyzmat edýän, il-günüň adamsy. **Il ugruna eşek ürküzmek** bir işi ýa-da bir zady zerurlygy bolsa-bolmasa köpçüligiň ugruna eden bolmak, illere meňzän bolup bir iş etmek. **Il ýatyp, it uklanda** janly jemendäniň aýagy ýygnananda, örän giç, ýarygije çemeleri, gijäň ýarymy.

**ILAT** [i:la:t], *at.* Bir ýerde, ýurtda, obada, etrapda we ş.m. ýaşaýan il, halk, adamlar. *Türkmenistanyň hökümeti ilatymyzyň durmuş şertlerini mundan-da gowulandyrmagyň üstünde işleýär* ("Türkmenistan").

**ILATLY** [i:la:tly], *syp.* Halk, ilat, adam ýaşaýan, oturymly. *Az ilatly ýerlere-de gaz geçirijileri çekildi.*

**ILATLYLYK** [i:la:tlylyk], *at.* Ilaty köplük, ilaty, halky gür bolan.

**ILATSYZ** [i:la:ssyz], *syp.* Oturymly halky bolmadyk, ýaşaýjysy ýok. *Indi ilatsyz ýere gabat gelmek kyn.*

**ILATSYZLYK** [i:la:ssyzlyk], *at.* Ilaty ýokluk ýa-da azlyk, halky seýreklik. *Syrap ýatan çölüň ilatsyzlygyna geň galar ýaly däldi.*

**IL-BENDE** [i:l-vende], *at, gepl. d.* Öz güzeranyny zähmeti bilen dolaýan, öz işi bilen gümra adamlar. *Il-bende ýyllar boýy barara gapy, batara köl tapman gezýärdi* (G. Kulyýew).

**ILBISINJE** [ilvisinje], *syp.* Ýasalyşy taýdan çalamydar, ýönekeýje, tilsim bolup duran, gowşajyk. *Gulakhalka diýip alany ilbisinje zat eken.*

**ILÇI** [i:lçi], *at,dipl.* **1**. Daşary ýurtlar bilen resmi aragatnaşyk alyp barmak üçin öz hökümeti tarapyndan başga ýurda bellenilýän ygtyýarly wekil. *Eýran Yslam Respublikasynyň ilçisiniň aýtmagyna görä, Eýranyň Prezidenti ýakyn wagtda resmi sapar bilen Türkmenistana gelmekçidir* ("Türkmenistan"). **2**. Bir ýumuş, tabşyryk bilen bir ýere iberilen adam, biri tarapyndan ýollanan wekil. *Magşukdan aşyga gelen ilçiýem, Gönderdi Gül bizni Bilbilge garşy* (Şabende).

**ILÇIHANA** [i:lçiha:na], *at.* Bir döwletiň ilçisi tarapyndan baştutanlyk edilýän başga bir döwletdäki diplomatik wekilçilik we onuň ýerleşýän jaýy.

**ILÇILIK** [i:lçilik] **I**, *at.* Ilçiniň wezipesi, ýagdaýy, ilçi wezipesinde işlemeklik. *Ol ilçilik wezipesine bellendi.*

**ILÇILIK** [i:lçilik] **II**, *at.* Il arasynda ýüze çykýan, il arasynda bolýan käbir ýagdaý. *Bu ilçilik, munuň içinde her haýsy bar* (A. Gowşudow).

**ILDEŞ** [i:lleş], *at.* Bir ilden, bir ýurtdan bolan, obadaş, ýurtdaş, watandaş.

**ILDEŞLIK** [i:lleşlik], *at.* Obadaşlyk, bir obadan bolmaklyk, ýurtdaşlyk, watandaşlyk. *Ol ildeşligini unudan däldir*.

**ILDIRGIÇ** [i:llirğiç], *at.* **1**. *ser.* **Ilgençek**. **2**. Geýim, telpek we ş.m. asmak üçin ujy gaňyrçakly asgyç, asawaç. **3**.Gabsanyň, äpişgäniň iç ýa-da daş ýüzünden ildirmek üçin edilýän ilgençek.

**ILDIRILMEK** [i:llirilmek], *işl.* Ildirmek hereketi ýerine ýetirilmek. *Garly ussa tärime ildirilip goýlan kültem ýüpi aldy* (A. Gowşudow).

**ILDIRINMEK** [i:llirinmek], *işl.* Özüň üçin ildirmek.

**ILDIRIŞDIRMEK** [i:llirişdirmek], *işl.* **1**. Birnäçe zady ildirip çykmak. *Duruň, men gury gabyklary ýygnaşdyryp, geçiniň şahyna ildirişdireýin. Onsoň goýun bilen süsüşiň* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. Yzly-yzyna ýapyşdyrmak. *Ildirgiçleri ildirişdirmek.*

**ILDIRIŞMEK** [i:llirişmek], *işl.* Ildirmäge kömekleşmek.

**ILDIRMEK** [i:llirmek], *işl.* **1**. Bir zady ikinji bir zatdan, ildirgiçden asmak, asawaçdan asyp goýmak. **2**. Bir zady ikinji bir zada geýdirmek, ötürmek, salmak. *Balany çala ildirip, uklary sallap goýma-da, tärimiň heregine oňatja mündür ahyry!* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Bir zady içinden ýa-da daşyndan ýapmak, gulplamak. *Işigi bir çekse, daşyndan ildirip giden ekenler* ("Görogly"). *Owlajyklar işigi içinden ildirdiler* ("Türkmen halk ertekileri").

**ILDIRTMEK** [i:llirtmek], *işl.* Ildirmek işini başga birine etdirmek.

**ILE**, *köm. s., kön.s.* Bile, bilen. *Bolsun tanap boýnumga saçbag ile şamaryň, Jilwe berip görüner, göwsüňde jüre halyň* (Talyby).

**ILEN-ÇALAN** [i:len-çalan], *at.* Daşkyrak dogan-garyndaş, garyndaşlyk babatynda çala ilteşigi bolan, kowumdaş.

**ILERI**, *at.* **1**. Günorta tarapy aňladýan söz. **2**. Öň tarap, öňe. **1**. *zergärç.* Gyňajujuna dakylyp, börüge ildirilýän ujy gaňyrçakly kümüş şaý. *Ol töre geçmänkä, oturgyjyň üstünde oturyp, bir aýagyny ileri uzatdy* (B. Kerbabaýew). *Ileri süýşmek. Ileri omzamak.*

◊ **Ileri tutmak** has gowy görmek, has zerur hasap etmek, hemme zatdan möhüm saýmak. *Ileri tutulýan ugurlar.*

**ILERI-GAÝRA** [ileri-ğaýra], *at.* Ilerik hem gaýrak, öňe-yza, aňryk-bärik, eýläk-beýläk. *Düýe tagaşyksyz dyzlaryny ileri-gaýra süýşürip, döşüni ýere berip oturdy* (B. Kerbabaýew).

**ILERI-ILERI**, *at.* Gaýta-gaýta öňe tarap, gitdigiçe öňe. *Olar ileri-ileri omzaşdylar* (N. Saryhanow).

**ILERIK** [ileri:k], *at.* **1**. Günorta tarapa, günorta. *Bu ýol ilerik, sulfat ýygnalýan altynjy köle tarap uzap gidýärdi* (A. Atajanow). **2**.Öňe, öň tarapa. – *Işiň ilerik! – Ýaşyň uzak! (Alkyş sözi).*

**ILERIK-GAÝRAK** [ileri:k-ğaýra:k], *at, ser.* **Ileri-gaýra**. *Güýçli traktorlar ilerik-gaýrak omzap, ürgün çägeleri ýerinden üýtgedýärdi.*

**ILERKI**, *syp.* Ileri tarapdaky, ileri taýdaky. *Ilerki dagyň etegi, Goýun-guzyň ýatagy* (Halk döredijiliginden).

**ILERLEME**, **1**. *iş ady.* Ilerlemek ýagdaýy. **2**. *at.* Öňe gidişlik. *Iki ýarym ýyl uly möhlet däl, ýöne şol wagtyň içinde ep-esli ilerlemeler gazanyldy* ("Watan").

**ILERLEMEK**, *işl.* **1**.Öňe süýşüp golaýlamak, ýakynlaşmak. **2**. *göç.m.* Öňe süýşmek, öňe gitmek, depgini güýjemek, ösmek. *Işiň ilerlemegi.*

**ILERLEŞMEK**, *işl.* Depgini güýjäp başlamak, ösüp başlamak. *Işler gitdigiçe gowulaşýar, barha ilerleşýär.*

**ILERLETMEK**, *işl.* Öňe gidermek, depgini güýçlendirmek, ösdürmek.

**ILERLIGINE** [ilerliğine], *hal.* Günorta tarapa, ileri tarapa, ilerik. *Ol ýabysyny derýanyň märekesiz ýerinde suwa ýakdy-da, säginmän atlanyp, ilerligine, daga bakan sürdi* (G. Kulyýew).

**ILGENÇEK** [i:lğençek], *at.* **1**. *zergärç.* Gyňajujuna dakylyp, börüge ildirilýän ujy gaňyrçakly kümüş şaý. **2**. Geýimiň ýakasyna berkidilýän gaňyrçak şaý (ilik deregine dakylýan esbap). **3**. *ser.* **Ildirgiç**. *Az salymdan soň, bat bilen ýapylan gapynyň ilgençegi gopdy* (N. Geldiýew).

**ILGEZIK** [ilğezik], *at.* Göwünjeň, meýilli, höwesli. *Ilgezik oglan.*

**ILGEZIKLENMEK** [ilğeziklenmek], *işl.* Bir işi etmäge ilgezik bolmak, göwünjeň bolmak, meýillilik bildirmek, döwtalap bolmak.

**ILGEZIKLIK** [ilğeziklik], *at.* Bir işi etmäge göwünjeňlik, meýillilik, höweslilik.

**ILGINÇ** [i:lğinç]: **göze ilginç** göze dürtülip duran, göze görnüp duran, mesaňa bolup duran. *Soň bir döwürde aşagyna gün düşmez bag-bakja peýda bolupdyr we ol göze ilginç haýbatly galany gizläpdir* (A. Gowşudow). *Göze ilginç hereket.*

**ILGÖZLÜGIN** [i:lğözlüğün], *hal, gepl.d.* Il gözüne, köpçülige görünmek maksady bilen, iliň gözüniň alynda, aç-açan. *Ilgözlügin ýüz ýyl tagat kylandan, Ýagşydyr bir säher gözden ýaş gelse* (Magtymguly).

**IL-GÜN** [i:l-ğün], *at.* Halk, ilat, köpçülik, jemagat. *Mübärek baýramyňyz gutly bolsun, tutan orazalaryňyz kabul bolsun, il-günüm!* ("Nesil").

**ILHALAR** [i:lha:la:r], *syp.* Ile özüni aldyran, köpüň söýgüsini gazanan.

**IL-HALK** [i:l-halk], *at, ser.* **Il-gün**.

**ILHATARY** [i:lhatary], *hal., ser.* **Il: il hatary** (**etmek**). *Ýaňyja uly gyzymyzy ilhatary durmuşa çykardyk* (H. Meläýew).

**ILIK I**, *at.* **1**. Penjegiň, köýnegiň we ş.m. ýakasyna, ýeňine dakylýan düwme, sadap. **2**. *zergärç.* Çabydyň ýakasyna çaňňa bilen birlikde dakylýan kümüş şaý.

**ILIK II**, *at.* Howply çiş görnüşinde bokurdakda, gyzylödegiň başlanýan ýerinde döreýän kesel.

**ILIK-DÜWME** [ilik-düwmö], *hal,gepl.d.* Ymykly, başdan-aýak, kemsiz. *Materiallary ilik-düwme öwrenmek.*

**ILIŞDIRMEK** [i:lişdirmek], *işl.* **1**. Ilip durar ýaly etmek, çala ildirmek. **2**. Eýesi bilmezden eşiginiň bir ýeri ýa-da başga bir zady çöp-çalama, tikenekli sime we ş.m. ilmek. *Penjegimiň syýýny tikenekli sime ilişdirip ýyrtdyraýypdyryn*.

**ILIŞMEK** [i:lişmek], *işl.* Bir ýere, bir zada ýapyşmak, ilmek, çolaşmak, ilip galmak. *Düýe bir agaja baryp, gapdalyny oýkap gaşanypdyr we şonda gök sapaklar ilişip galypdyr* ("Türkmen halk ertekileri").

**ILKAGŞAM** [ilkağşam], *at.* Ýaňy agşam düşen wagty, garaňky gatlyşan wagty.

**ILKI**, *san.* **1**. Başda, öňürti, deslapky, öňi bilen. *Ilki döwürlerde daýhanlar goldawa mätäçdiler, indi olar öz günlerini görýärler* ("Nesil"). **2**. Başky, ilkinji, birinji. *Müdire onuň ilki jogaby ýarasa-da, soňky artdyrany ony biraz kürtdürdi* (B. Kerbabaýew).

◊ **Ilki bilen** ilkinji nobatda, ilki başda.

**ILKIBADA** [ilkiva:da], *hal.* Ilki bilen, ilkibaşda, öňürti, başda. *Ol ilkibada bir zatdan çekinýän ýaly bolup göründi* ("Edebiýat we sungat").

**ILKIBAŞDA** [ilkivaşda], *san, ser.* **Ilkibada**. *Öz hususy işiňi ýola goýmak ilkibaşda aňsat däl* ("Nesil").

**ILKIDURMUŞ**, *syp.* Adamzat taryhynyň iň gadymy döwrüne degişli bolan. *Ilkidurmuş adamlary. Ilkidurmuş jemgyýeti.*

**ILKI-ILKILER**, *hal.* Başda, ilki bada, ilki wagtlar. *Ol ilki-ilkiler öwrenişmejek boldy*.

**ILKINJI**, *san.* Birinji, iň ilki, ilki başdaky, başky. *Altyn asyryň ilkinji ýylynyň pile taýýarlamak möwsümini gyzgalaňly dowam etdirýärler* ("Watan").

**ILKINJILIK**, *at.* Birinji, ilkinji bolmaklyk, iň ilkilik.

**ILLÄP-GÜNLÄP** [i:llä:p-günlä:p], *hal.* Köpçülik bolup, il-gün bolup tagalla edip, agzybirlik bilen. *Şeýdip, janlarym, illäp-günläp kel gyzy äre beren ýaly, munyda bir sana geçireliň - diýip, Aknabat eje tabşyrdy* (A. Durdyýew).

**ILLI** [i:lli], *syp.* **1**. Ili, kowumy bolan, watany-mesgeni bolan. **2**. Oglana dakylýan at.

**ILLI-GÜNLI** [i:lli-ğünlü], *syp.* Ili-güni bolan, kowum-garyndaşly, belli ýurdy, mesgeni bolan. *Illi-günli adam.*

**ILLIK** [i:llik], *at.* Bir gandan emele gelen maşgalanyň altynjy nesli, gowulykdan soňky nesil. *Meselem: ogul-gyz, agtyk, çowluk, ýuwluk, gowulyk, illik, ýatlyk.*

**ILLILIK** [i:llilik], *at.* Il-halklylyk, watany-mesgeni barlyk.

**ILMEK** [i:lmek] **I**, *işl.* **1**. Bir zadyň ikinji bir zada degip, galtaşyp, ýapyşyp, ilişip galmagy. *Atyň ýalyna ilen çöp-çalamlary aýryşdyrdym.* **2**. Biriniň başyna düşmek. *Biriniň başyndan ilmek.*

**ILMEK** [i:lmek] **II**, *at.* Dowar tutmaga amatly bolar ýaly, ujy egri çopan taýagy, gergenek, gaňrak. *Çopan ilmegi bilen şol goýny tutdy.*

**ILSIZ** [i:lsiz], *syp.* **1**. Köpçüliksiz, halksyz, il-günsüz. **2**. Ýurtsuz, mesgensiz, mekansyz.

**ILSIZ-GÜNSÜZ** [i:lsiz-ğünsüz], *syp.* **1**. Ili-güni bolmadyk, kowum-gardaşsyz. **2**. Ýurtsuz, mesgensiz, mekansyz.

**ILSIZLIK** [i:lsizlik], *at.* **1**. Ili ýokluk; ilatsyzlyk, halksyzlyk. **2**. Ýurtsuzlyk, mekansyzlyk, mesgensizlik.

**ILTEG** [i:lteğ], *at.* **1**. Berk daňylmadyk daňy, çalaja daňlan bag. *Göledir-dä, ilteg etseň durar.* **2**. *ser.* **Ilteşik**.

**ILTELMEK** [i:ltelmek], *işl.* **1**. Gowşak daňyp goýmak. *Atyň uýany şaha iltenipdi.* **2**. Bir işi ýa-da ýumşy biriniň üstüne atmak. *Garawullyk oňa esasy işiniň daşyndan ilteldi.*

**ILTEMEK** [i:ltemek], *işl.* **1**. Çala, gowşak daňyp goýmak, bir zady ikinji bir zada çala baglamak. **2**. Bir işi, ýumşy birine tabşyrmak, bir işi belli bir adamyň üstüne ýüklemek. *– Hany, bu ýyl miraplygy kimiň ýakasyndan iltäris? – diýen sowala dürli ýerden dürli atlar tutuldy* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç.m.* Adamsy aradan çykan gelni, aýaly äriniň iň ýakyn hossarlaryndan birine dakmak.

**ILTEŞDIRMEK** [i:lteşdirmek], *işl.* Yzly-yzyna iltäp çykmak, howul-hara daňmak, daňyşdyrmak. *Düýeleri ýygnaşdyryp, çuwallaryň köşelerini ilteşdirdik* (A. Gowşudow).

**ILTEŞIK** [i:lteşik], *işl.* **1**. Garyndaşlyk, hossarlyk taýdan ýakyn bolmadyk gatnaşyk, çala baglanyşyk, ýakynlyk. *Onuň biz bilen ilteşigi ýok.* **2**. Söwda, alyş-çalyş, iş-güýç we ş.m. taýdan bolan gatnaşyk. **3**. Bölünip aýrylara ýakynlaşan, çalaja, sähel ilişen baglanyşyk. *Onuň tüpeňiň çekerini gysýan eliniň çala ilteşigi galdy* (B. Kerbabaýew).

**ILTEŞIKLI** [i:lteşikli], *syp.* Gatnaşykly, arabaglanyşykly.

**ILTEŞMEK** [i:lteşmek], *işl.* **1**. Garyndaşlyk taýdan belli bir derejede ýakyn bolmak. *Onuň biziň tohumymyza ilteşýän ýeri ýok.* **2**. Bir zada ilmek, ilişmek, ýapyşmak.

**ILTETMEK** [i:ltetmek], *işl.* Çala daňyp goýmagy başga birine buýrup etdirmek.

**ILTIMAS** [iltima:s], *at, kön.s.* Birinden bir zat, bir mesele boýunça edilýän haýyş.

**IL-ULUS** [i:l-ulus], *at, kön.s.*, *ser.* **Il-gün**. *Uruşda edermen gaýduwsyzlyk il-ulusyňyzyň abraýydyr* (A. Gowşudow). *Hudaýa şükür, il-ulus abadançylyk.*

**IL-YMMAT** [i:l-ymmat], *at, ser.* **Il-gün**. – *Biz-ä ilde-ymmatda sen ýalyny gören däldiris.*

**IMAN** [i:ma:n], *at.* Alla bolan ynam, ynanç. *Imanym ýoldaş bolsa, Barsam, Käbäni görsem* (Magtymguly).

◊ **Iman baýlygyny bersin! Imanly bolsun! Imany äkidenden bolsun! Imany hemra bolsun!** dünýäden gaýdan adamynyň ýakyn hossarlaryna gynanç bildirilip aýdylýan söz. *Talyby diýr, hemra bolsun imany, Ýasyn çekdi dosty-ýary Myradyň* (Talyby). **Imanyň göçmek** bir zatdan elheder etmek.

**IMANLY** [i:ma:nly], *syp.* **1**. Hudaýa, dine ynançly. *Meniň imanly gidenim seniň nä gaýgyňa* ("Görogly"). **2**. *göç. m.* Wyždany, ynsaby bolan, wyždanly, ynsaply. *Ol imanly ýigitdigini öňem birnäçe gezek subut edipdi.*

◊ **Imanly bolsun** *ser.* **Imany hemra bolsun**.

**IMANLYLYK** [i:ma:nlylyk], *at.* **1**. Imany barlyk, hudaýa, dine ynançlylyk. **2**. *göç. m.* Wyždany, ynsaby barlyk, wyždanlylyk, ynsaplylyk.

**IMANSYZ** [i:ma:nsyz], *syp.* **1**. Imandan daş düşen, hudaýa, dine ynanmaýan. **2**. *göç. m.* Naýynsap, wyždansyz, ynsabyny iýen. *Imansyz atasyndan-a muňa rehnet bolmady, çagajykka taşlap gitdi* (T. Gurbanow).

**IMANSYZLYK** [i:ma:nsyzlyk], *at.* **1**. Imany ýokluk, hudaýa, dine ynanmazlyk. **2**. *göç.m.* Naýynsaplyk, wyždansyzlyk, ynsapsyzlyk.

**IMDI**, *hal, k.d., ser.* **Indi**. *Magtymguly, imdi özüňni gözle, Ýagşyny taryplap, ýamany düzle* (Magtymguly).

**IMES**, *k.d.* Däl. *Magtymguly, bäş gün eşret sürmäge, Jaý imesdir eglenmäge, durmaga* (Magtymguly).

**IMEŞDIRMEK** [i:meşdirmek], *işl.* Çolaşdyrmak, bulaşdyrmak, biri-birine çyrmaşdyrmak. *Agşamky ýel üzüm çybyklaryny imeşdiripdir.*

**IMEŞEGEN** [i:meşeğen], *syp.* Çolaşagan, bulaşagan, çyrmaşagan. *Imeşegen ýüpek.*

**IMEŞEGENLIK** [i:meşeğenlik], *at.* Çolaşaganlyk, bulaşaganlyk, çyrmaşaganlyk.

**IMEŞIK** [i:meşik], *syp.* Çolaşyk, bulaşyk, çyrmaşyp duran. *Imeşik sakgal*. *Sary imeşik ýüzlüje oglan.*

**IMEŞMEK** [i:meşmek], *işl.* Çolaşmak, bulaşmak; çyrmaşyp durmak. *Ogly bolsa eňegindäki imeşip duran tüýleri dyrmalap, özüçe belleşdirýärdi* (A. Gowşudow).

**IMI-SALA** [i:mi-sala:], *hal.* Asuda, ümsüm, parahat, dynç. *Imi-sala garaňky gijedi.*

**IMI-SALALYK** [i:mi-sala:lyk], *at.* Asudalyk, ümsümlik, parahatlyk, dynçlyk. *Mellege suw tutýan adamlaryň pilleriniň kä eýle tarapdan, kä beýle tarapdan gelýän tarpyldysy bu imi-salalykda has golaýda ýaly bolup eşidilýärdi* ("Watan").

**IMIŞ: imiş geçi** owlagy ölen geçi.

**IMMIGRANT** [immigyra:nt], at. Bir ýurda hemişelik ýaşamak üçin gelen daşary ýurtly adam.

**IMMIGRASIÝA** [immigyra:siýa], *at.* Daşary ýurtly adamlaryň hemişelik ýaşamak üçin bir ýurda gelmegi (*ser*. **Emmigrasiýa**).

**IMPERATOR** [impera:tor], *at.* Gadymy Rim respublikasynda goşun serkerdesiniň hormatly ady, Auwgustyň zamanyndan başlap döwlet baştutanynyň ady; soň-soňlar bolsa uly döwletiň atly şalarynyň ady.

**IMPERIÝA** [impe:riýa], *at.* **1**. Başynda imperator durýan şalyk döwlet. **2**. Iri, has uly döwlet.

**IMPORT** [i:mport], *at.* **1**. Daşary ýurtdan haýsydyr bir ýurduň içine harytlary getirmeklik. **2**. *Import* sözüniň soňuna *etmek* kömekçi işligi goşulyp, "importy amala aşyrmak" manyly *import etmek* düzümli işligi ýasalýar. *Harytlary import etmek*. **3**. Daşary ýurtlardan getirilýän harytlar, önümler. **4**. Ýurduň içine getirilen harytlaryň umumy mukdary. *Importyň–eksportyň möçberi.*

◊ **Importyň hasabyna ýaşamak** köp haryt getirmek.

**IMRIGIBERME** [imriğiverme], *iş ady.* Imrigip, öwrenişip başlama.

**IMRIGIBERMEK** [imriğivermek], *işl.* Imrigip, öwrenişip başlamak.

**IMRIGIŞ** [imriğiş], *iş ady.* Imrikmek ýagdaýy.

**IMRIKDIRMEK**, *işl.* Birine ýa-da bir zada öwrenişdirmek. *Bike eje onuň öňüne ot döküp, özüne imrikdirjek bolup, çaga hüwdüleýän ýaly, nazymly hiňlenipdi* (N. Pomma).

**IMRIKMEK**, *işl.* Birine, bir zada öwrenişmek. *Ol kem-kem bize imrikdi.*

**IMRINDIRMEK** [imrinnirmek], *işl.* Höwes, isleg döretmek.

**IMRINMEK**, *işl.* Höwes, isleg döremek, mähir inmek. *Kemine gol götermez uzyn boýly gelinden, Gözel köpdür jahanda, köňlüm imrinmez, gelin* (Kemine).

**IMTIHAN** [imtiha:n], *at, kön.s.* Synag, barlag. *Maslahat ber diýseň imtihan edip, Goýar seniň derdeseriň kän edip* (Allaguly Allahy).

**IN** [i:n] **I**, *at.* Bir zadyň keseligine bolan uzynlygy, boý sözüniň garşylyklaýyn manysy. *Häzir halyçylar boýy iki metr, ini hem bir metr bolan halyny dokaýarlar* ("Türkmenistan").

◊ **In mata** biçilmän, tutuş duran mata.

**IN** [i:n] **II**, *gepl.d.* Beden, ten, endam. *Iýen-içeniň iniňe siňmek*.

◊ **Inine siňdirmezlik** bir zady (pul, iýmit we ş.m.) haýyrly peýdalandyrmazlyk, doly haýyrlandyrmazlyk. **Iniň dyglamak (tikeneklemek, jümşüldemek)** gorky-ürki sebäpli howatyrlanmak, geň galmak sebäpli bedeniňde ynjalyksyzlyk syzmak. **Ini hapa** inine suw almadyk, şerigat işinden soň suwa düşmedik. **Iniň söýmezlik** halamazlyk, birini ýigrenmeklik, göwnünden turmazlyk.

**INAGAÇ** [i:nağaç], *at.* Iki ujuna bedre asylyp suw daşalýan egri agaç. *Inagaç bilen suw daşalan döwri-de görüpdik, balam – diýip, Sona daýza gürrüň berýär* ("Nesil").

**INÇE** [i:nçe], *syp.* **1**. Ýogyn däl, ýogyn bolmadyk. *Inçe süýümli pagta.* **2**. Syrdam. *Inçe boýly ýigit.* **3**. Belent, ýiti (ses barada). *Ol inçejik owazly sesi bilen hemmelerden tapawutlanýardy* ("Watan"). **4**. Dar, giň däl. *Inçe ýoda.* **5**. *gepl. d.,ser.* **Inçekesel**. *Süňk inçesi*.

◊ **Inçe damaryny tapmak** biriniň ugruny tapmak, işiňi bitirtmek üçin halaýan, gowy görýän zadyny bilmek. *Inçe damaryny tapaýmasaň, sözüňi-de diňlemez.* **Inçeden yzarlamak** her bir zadyň aňyrsyna ýetmek üçin, göze görünmeýän, ýadyňa düşmeýän taraplaryna üns bermek. **Inçe egrip, syk dokamazlyk** inçe iş etmezlik. *Senem inçe egrip, syk dokaňok-la, öý işlerine-de yetişmedik bolýaň, keýgim.* **Inçe iş** haly dokamak, tahýa tikmek, kürte bejermek, surat çekmek ýaly ýerine ýetirmesi kyn işler.

**INÇEJIK** [i:nçejik], *syp.* Has inçe, örän inçe. *Ine, şu jaýyň ýeňsesindäki gowaçalaryň içinden günbatar tarapa uzaýan inçejik ýol bilen göni gidiberiň* (Ö. Abdyllaýew).

**INÇEKESEL** [i:nçekesel], *at.* Koh taýajyklary diýilýän mikroblar arkaly döreýän we öýkene, süňke, bogunlara, içegä zyýan ýetirýän ýokanç kesel. *Türkmen lukmanlary inçekesele garşy göreşi güýçlendirdiler.*

**INÇEKESELLI** [i:nçekeselli], *syp.* Inçekesel bilen kesellän.

**INÇEKESELLILIK** [i:nçekesellilik], *at.* Inçekeseli barlyk, inçekesel bilen kesellän halda bolmaklyk.

**INÇELEME** [i:nçeleme], *iş ady.* Inçelemek ýagdaýy.

**INÇELEMEK** [i:nçelemek], *işl., ser.* **Inçeltmek**.

**INÇELEMEKLIK** [i:nçelemeklik], *iş ady.* Inçelemek ýagdaýy.

**INÇELIK** [i:nçelik], *at.* **1**. Ýogyn dällik. **2**. Syrdamlyk. **3**. Belentlik, ýitilik. *Ol sesiniň inçeligi bilen beýleki aýdymçylardan tapawutlanýar*. **4**. Darlyk, gysbylyk, giň dällik. **5**. *göç.m.* Näziklik, nepislik.

**INÇELIŞ** [i:nçeliş], *iş ady.* Inçelmek ýagdaýy.

**INÇELME** [i:nçelme], *iş ady, ser.* **Inçeliş**.

**INÇELMEK** [i:nçelmek], *işl.* **1**. Öňküsinden inçe bolmak, inçe ýagdaýa gelmek. *Onuň bilek ýaly saçlary inçelipdir*. **2**. Horlanmak, sykylmak, arryklamak. **3**. *göç.m.* Daralmak, gysby bolmak, giň däl ýagdaýda bolmak. *Öň köçeler gitdigiçe inçelýärdi, şonuň üçin geçelgelerde ep-esli wagt eglenmeli bolýardy* ("Edebiýat we sungat"). **4**. *göç.m.* Suwy egsilmek, azalmak, kemelmek. *Derýa inçelipdir.*

**INÇELTMEK** [i:nçeltmek], *işl.* **1**. Ýonup, igeläp, inçe etmek. *Ol pil sapyny ýonup-ýonup inçeltdi.* **2**. Horlamak, ezýet, yza berip arryklatmak. **3**. *göç.m.* Suwuny azaltmak, egismek, kemeltmek. *Gurakçylyk ýyl derýany inçeldipdi.*

**INÇEMIK** [i:nçemik], *syp.* **1**. Onçakly inçe hem ýogyn bolmadyk, inçä ýakyn, inçeräk. *Galyň gar agaçlaryň inçemik pudaklaryny ýaý ýaly egreldýärdi* (B. Kerbabaýew). *Inçemik ýüzli adam*. **2**. Ýogyn däl, inçä golaý (ses hakynda). *Ol birden eli çemedanly duran ýigidi gördi-de, inçemik ses bilen habar gatdy* ("Türkmenistan").

**INÇESAGT** [i:nçesağt], *syp.* Inçeden uzynak, inçeden sagdyn, inçeden berk bedenli. *Inçesagt ýigit.*

**INDEG** [inneğ], *at, ser.* **Ideg**.

**INDEGLI** [inneğli], *syp., ser.* **Idegli**. *Sen indegli adam bolasyň gelýän bolsa, hemişe il hyzmatynda bol* ("Nesil").

**INDEGSIZ** [inneğsiz], *syp.,ser.* **Idegsiz**.

**INDELMEK** [innelmek], *işl.* Indeg edilmek, ugruna çykylmak. *Gel diýip indelmedik ýere, Galkynyp baryjy bolmaň* ("Görogly").

**INDEMEK** [innemek], *işl.* Bir zady gözlemek, agtarmak, idemek. *Sähel sypsam görejinden, "Balam" diýip indän enem* (M. Seýidow).

**INDEMIR** [i:nnemir], *at.* Tarada mata dokalanda ini gyradeň çykar ýaly, iki gyrasyna oturdylyp, inçe agajyň ujuna geýdirilýän demirjik. *Ol dokap oturan gyňajynyň indemirini süýşürdi.*

**INDERILMEK** [i:nnerilmek], *işl.* Ýokardan aşak goýberilmek. *Ýekedaban inderilmek*.

**INDERIŞDIRMEK** [i:nnerişdirmek], *işl.* Bir topar zady birden aşaklygyna goýberişdirmek.

**INDERIŞMEK** [i:nnerişmek], *işl.* Bile indermek; indermäge kömekleşmek.

**INDERMEK** [i:nnermek], *işl.* **1**. Bir zady ýokardan aşaklygyna goýbermek. **2**. Bir zat bilen birini ýa-da bir zady batly urmak. *Depesinden indermek.*

**INDEŞMEK** [inneşmek], *işl.* Bilelikde indemek.

**INDETMEK** [innetmek], *işl.* Indemäge mejbur etmek, indär ýaly etmek, indemäge şert, ýagdaý döretmek. *Hergiz özüňi indedesiň gelýän bolsa, başda özüňem ili indäp durmalysyň.*

**INDEW** [innöw], *at.* Künji ýaly dik ösýän, sary gülli, ýapragy garpyzyňka meňzeş, dänesinden dermanlyk ajy ýag alynýan birýyllyk ösümlik.

◊ **Indew suwaran ýaly** bir işi telli-pelli etmek, hakykatda iş ýüzüne geçirmezlik.

**INDI** [inni], *hal.* **1**. Häzir, şu wagt. *Indi ýer biziňki, biz öz yrsgalymyzy öz topragymyzdan almaly* ("Watan"). *Indi türkmen, hakykatdanam, dünýäniň iň bagtyýar halky* ("Türkmen dili"). **2**. Mundan buýana, mundan beýläk, mundan soň. *Indi onuň derdini dep edip biljek diňe türkmen lukmanydy* ("Saglyk"). *Indi hemmämiz bilimizi berk guşap, işe girişmeli bolarys.*

**INDIBERI** [inniveri], *hal,gepl.d.* Aýratyn-da indiden beýläk, mundan beýläk, mundan soň bir. *Indiberi beýle iş etmäweri!*

**INDIKI** [inniki], *hal.* **1**. Häzirkiden soňky; geljekki, soňky, nobatdaky. *Indiki nesil*. *Indiki wezipe bolluk bilen ýetişen hasyly yrýasyz ýygnamakdan ybarat* ("Watan"). **2**. Häzirki, şu wagtky. *Indiki döwrüň çagalary sowatly, aň-düşünjeli bolupdyr.*

**INDIKILE** [innikile], Indiden beýläk, mundan beýläk, geljekde, dagy-duwara. *Indikile beýle iş etme*.

**INDIRILMEK** [i:nnirilmek], *işl.* Belli bir zadyň üstünden eltilmek, ugrukdyrylmak. *Suw ýapaşak indirildi. Süri suwa indirildi.*

**INDIRIŞMEK** [i:nnirişmek], *işl.* **1**. Indirmäge kömekleşmek. *Mallary güzere indirişmek.* **2**. Bilelikde indirmek.

**INDIRMEK** [i:nnirmek], *işl.* Bir zady, maly we ş.m. bir tarapa gönükdirmek, sürmek, ugratmak, bir ýeriň gyrasyndan, çetinden girizmek. *Sygyrlarymy derrew toplap, ýüzüni oba tarap göneltdim we obanyň ýokary çetinden çaňjardyp indirdim* (A. Durdyýew).

**INDIRTMEK** [i:nnirtmek], *işl.* Indirmek işini başga birine etdirtmek.

**INDONEZIÝALY** [indone:ziýaly], *syp., ser.* **Indoneziýalylar**.

**INDONEZIÝALYLAR** [indone:ziýalylar], *at.* Indoneziýanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**INE**, *çal.* **1**. Ynha, şu (golaýyňda, gaşyňda duran zat, adam hakynda). *Ine, bu meniň hakyky dostum*. **2**. *köm.s.* Yz ýanyndan gelýän söze ynamlylyk ýokundysyny berýär. – *Ine, bu ýyl hasyldan umydymyz uly – diýip, Aman gürrüň berýär* ("Nesil").

**INEDÖRDÜL** [i:nedö:rdül], *syp.* **1**. Ini-boýy deň, ini boýuna deň, dörtburç görnüşli. *Inedördül otag*. **2**. *göç.m.* Ini-boýy des-deň, gysga boýly, togalak, kiçeňräkden semiz. *Inedördül pyýada.*

**INEDÖRDÜL-GÄMIKLEÝIN** [i:nedö:rdül-ğä:mikleýin], *hal.* Ekilýän ekinleriň ýa-da oturdylýan nahallaryň arasynyň inine-boýuna deň edilip ekilýän ýagdaýy. *Ekiş inedördül-gämikleýin usulda geçiriler* ("Watan").

**INE-GANA** [i:ne-ğa:na], *hal.* Arkaýyn, alňasaman, howlukman.

**INE-GANALYK** [i:ne-ğa:nalyk], *at.* Arkaýynlyk, alňasamazlyk, howlukmazlyk. *Ol gyzlaryň öý bezeýişlerine ine-ganalyk bilen syn edýärdi* (N. Saryhanow).

**INEK**, *at, kön.s.* Süýt berýän gara mal, sygyr.

**INELGE** [i:nelğe], *at.* Dagdan, beýiklikden aşak iner ýaly ýer, eňňit ýer, ýapgyt ýer, iniş. *Dagyň inelgesi. Jaryň inelgesi.*

**INEN**, *at.* Enelik jynsyndan bolan, gaýmaga, botlamaga ukyply (düýe barada). *Inen düýe.*

◊ **Iki ýaşar inen** iki ýaşdan üç ýaşa çenli ýaş düýe.

**INER**, *at.* **1**. Inen arwana bilen bugradan bolan boýny tüýlek erkegiň bir görnüşi. *Birden aşak seretse, baýyň inerleri otaryp ýörenine gözi düşýär* ("Türkmen halk ertekileri"). **2**. *göç.m.* Özünden kiçi oglana söýgi, mylakatlyk bildirilip aýdylýan ýüz tutma sözi. – *Inerim, näme kär edýärsiňiz? – diýip, meniň garşymda oturan garaýagyz, doluşgan ýaşuly sorady* ("Edebiýat we sungat"). **3**. Oglana dakylýan at.

◊ **Iner ýaly (kimin)** güýçli, gujurly, çydamly. *Onuň dört sany iner ýaly ogly bar.*

**INERÇE**, *at.* **1**. Kiçi iner. **2**. *göç.m.* Ýaş ýigit. *Ak öýüň inerçesi, Hüwdüläýin ballymy* (Hüwdi).

**INERDIŞ** [inerdi:ş], *syp.* Halynyň älemine, käbir halylaryň ortasyna salynýan diş-diş nagyş, byçgydiş.

**INERLIK**, *at,gepl.d.* Hiç wagt botlamaýan düýe.

**INFRAGURLUŞ** [i:nfyragurluş], *at. ser.* **Infrastruktura.**

**INFRASTRUKTURA** [i:nfyrastruktu:ro], *at.* Önümçilige hyzmat edýän hojalyk pudaklarynyň toplumy.

**INGI** [i:nği], *at, lukmanç.* **1**. Garyn boşlugynda ýerleşýän agzalaryň deri aralygyna inmeginden emele gelýän kesel. *Göbek ingisi. Gasyk ingisi.* **2**. Şol kesel sebäpli gasykda emele gelýän çiş, ýumry.

**INI**, *at.* **1**. Özüňden kiçi erkek dogana, doganoglana bolan garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz. **2**. Özüňden kiçi tanyş-nätanyşa sypaýylyk bilen ýüzlenilip aýdylan ýüz tutma sözi.

**INI-BOÝY** [i:ni-voýy], *at.* Bir zadyň ini hem boýy, uzynlygy hem ini.

◊ **Inini-boýuny des-deň etmek** pugta urmak, ýençmek. **Ini-boýy ýetmek** ini, boýy ýetjek derejesine ýetmek, berdaşly ýigit bolup ýetişmek. *Ini-boýy ýeten ýigitler bu gün serhetçiniň geýimine girip, has-da gujurly görünýärler* ("Esger").

**INIŞ** [i:niş], *at, ser.* **Inelge**. *Obamyz ak inişiň alkymynda ýerleşýär.*

**INIŞMEK** [i:nişmek], *işl.* Köpçülikleýin inmek. *Inişip ugramak.*

**INJI** [i:nji], *at.* Çagajyga mamasy, babasy ýa-da ejesiniň beýleki hossarlary tarapyndan berilýän mal. *Saňa inji mal bererin,balam!*

**INJIK** [i:njik], *at.* Aýagyň topukdan baldyra çenli bolan aralygy. *Injik süňki.*

◊ **Injigi götermezlik** oňat*,* sapaly durmuşy göterinip bilmezlik, gowy ýaşaýyş sebäpli azmak. **Injigi darty ýaly** hor injikli.

**INJIL**, *at.* Injiliň Isanyň (Iusus Hristos) ömri we taglymaty hakynda gürrüň berilýän bölegi. *"Zeburny" Dawuda, "Injilni" Isa, "Töwratny" Musaga aýan getirdi* (Magrupy).

**INJILIK** [i:njilik], *at.* Inji bermek üçin niýetlenen, inji üçin goýlan (mal). *Enesi oňa injilik guzujyk taýýarlapdy.*

**INJIR**, *at.* **1**. Ýyly ýurtlarda ösýän süýji miweli agaç. *Injir agajy*. **2**. Şol agajyň içi owunjak däneli gara, sary miwesi.

**INJIRGÜL** [injirğül], *at.* Boýy 40-80 *sm* ýetýän ýabany we ekilýän dermanlyk ösümlik.

**INŽENER** [inžene:r], *at.* Ýokary tehniki bilim alan hünärmen. *Harby inžener. Dag işleriniň inženeri*.

**INŽENERÇILIK** [inžene:rçilik], *at, ser.* **Inženerlik**.

**INŽENERLIK** [inžene:rlik], *at.* Inženeriň alan hünäri, käri, wezipesi. *Ol uly zawodda inženerlik edýär.*

**INKÄR: inkär etmek** bir zady ykrar etmän, ýalan hasaplamak, ret etmek, bir zadyň hakykatdygyny, dogrudygyny ýa nädogrudygyny ýalana çykarmak. *Daýhanyň zähmeti hakdaky hakykaty inkär edip bilmeris* ("Nesil").

**INLI** [i:nli], *syp.* Ýeterlik ini bolan. *Inli mata. Inli köçe*.

**INLILIK** [i:nlilik], *at.* Ýeterlik ini bolmaklyk, insiz dällik. *Köçäniň inliligi maşynlaryň hereketine köp ýardam edýär* ("Watan").

**INMEK** [i:nmek], *işl.* **1**. Ýokardan aşak düşmek, eňmek, aşak eňip gaýtmak. *Ýyldyz dagdan inen çeşme, Durlan-ha, gyzlar geleýdi* ("Görogly"). **2**. Ýokardan, belentlikden aşaklygyna pessaýlamak. *Uçar pessaýlap inip ugrady.* **3**. *göç. m.* Bir ýere syrykmak, syrygyp gaýtmak. *Onuň maňlaýyndan akýan der görejine indi* (B. Kerbabaýew). **4**. *göç. m.* Gelmek, ýagmak. *Asly halal türkmen topragyna bu gün bereket indi* ("Türkmenistan"). **5**. *gepl.d.* Dogmak, dogulmak, dünýä inmek, eneden bolmak.

**INMEZLIK** [i:nmezlik], *iş ady.* **1**. Ýokardan aşak düşmezlik, eňmezlik, aşak eňip gaýtmazlyk. **2**. Ýokardan, belentlikden aşaklygyna pessaýlap uçmazlyk. **3**. *göç.m.* Bir ýere syrygyp gaýtmazlyk. **4**. *göç.m.* Gelmezlik, ýagmazlyk. **5**. *gepl. d.* Dogmazlyk, dogulmazlyk, eneden bolmazlyk. – *Bolşuň şu boljak bolsa, inmänler geçseň bolmaýarmy?!* **INSIZ** [i:nsiz], *syp.* Ýeterlik ini bolmadyk; darajyk. *Insiz ýoda. Insiz mata.*

**INSIZLIK** [i:nsizlik], *at.* Insiz bolmaklyk, inli dällik. *Biçimçi matanyň insizligini hasaba alyp, öz işine başlady.*

**INSTITUT** [institu:t], *at.* Käbir ýokary mekdepleriň we ylmy-barlag edaralarynyň ady. *Medeniýet instituty. Magtymguly adyndaky Dil we edebiýat instituty.*

**INTERNET** [interne.t], *at.* **1**. Elektron aragatnaşygynyň sebitleýin, milli, lokal we beýleki ulgamlaryny birleşdirýän halkara kompýuter ulgamy. **2**. Internete birleşdirilen kompýuterleri baglanyşdyrýan hem-de olaryň eýelerine bitewi habarlar giňişliginden peýdalanmaga we ähli maglumatlary almaga hem ugratmaga (hatlary, suratlary we dürli häsiýetli maglumatlary) mümkinçilik berýän bütindünýä kompýuter ulgamy.

**INTILDIRMEK**, *işl., gepl. d.* Birini intilmäge mejbur etmek. *Heý, beýle-de bir intildirmek bolarmy?*

**INTILIŞMEK**, *işl., gepl. d.* Bilelikde intilmek.

**INTILMEK**, *işl.,gepl. d.* Garaşmak, garaşyp bizar bolmak, yntylmak.

**INTIPIS** [intipi:s], *at.* Birine edilýän indeg, geleň, alada, üns, garaşyk. *Adam-gara kän bir intipis edip durmaýan takyr ýorgalar ikibaka ylgaşyp ýörendirler*.

**INTIZAR** [intiza:r], *syp.* Bir zada zar, birine garaşýan, tama edip göz dikýän. *Ilde bir näzenin tapylmaz sençe, Barça älem saňa intizar olar* (Seýdi).

◊ **Intizaryny çekmek** zarynlap, ýoluna göz dikmek. *Sary donuň geýipsiň, Teläre söýenipsiň, Intizaryň men çekýän, Sen näme saralypsyň?* (Küştdepdi).

**INTIZARLYK** [intiza:rlyk], *at.* Göz dikip garaşmaklyk, tama bilen göz dikiş. *Gutar meni intizarlykdan* (Andalyp).

**INTONASIÝA** [intona:siýa], *at, dil b.* Sözleýşiň metodikasyny, ritmini, intensiwligini, depginini, tembrini, basymlaryny we ş.m. öz içine alýan prosodik elementleriň (komponentleriň) jemini aňladýan düşünje (onuň dürli görnüşleri bar: habar intonasiýasy, sorag intonasiýasy, buýruk intonasiýasy, ýüzlenme intonasiýasy, gutarylan ýa gutarylmadyk intonasiýa).

**IŇ**, Özünden soň gelýän sözleriň manysyny güýçlendirmek üçin ulanylýan ownuk bölek.

**IŇIRDEGEN** [iňirdeğen], *syp.* Iňirdemegi, bolgusyz zat üçin igenmegi gowy görýän, iňirdi häsiýetli. *Onuň ýek ýigrendigi iňirdegen adamdy.*

**IŇIRDEGENLIK** [iňirdeğenlik], *at.* Igenip ýürege düşmeklik, igenjeňlik.

**IŇIRDEMEK**, *işl.* Bir zady iriziji äheň bilen gaýtalap ýürege düşmek, ownuk-döwnük zat üçin igenip, gulagyňy kamata getirmek, nägilelik bildirmek.

**IŇIRDEMEZLIK**, *iş ady.* Iňirdili söz aýtmazlyk, iňirdäp durmazlyk. – *Iňirdemesene! – diýip, sabyr käsesi dolan Nedirguly azgyryldy* (N. Jumaýew).

**IŇIRDEŞMEK**, *işl.* Bilelikde iňirdemek. *Olar iňirdeşip başladylar.*

**IŇIRDETMEK**, *işl.* Birini iňirdä goýmak, iňirdili ýagdaýa salmak. *Sen ejeňi köp iňirdedýärsiň!*

**IŇIRDEWÜK** [iňirdöwük], *syp.* Şol bir zady gaýtalap ýürege düşýän, ownuk-uşak zat üçin igenýän, igenjeň. *Iňirdewük adam.*

**IŇIRDI**, *at.* **1.** Ýürege düşgünç igenç, bolgusyz zat üçin birine bildirilýän nägilelik. *Ýekeje gün hem iňirdisini çekmen, ynha, owsaryň, ine-de delilbagyň diýer-de gidibererin* (A. Durdyýew). **2.** Iňirdegen adam. *Sen-ä bir iňirdi ekeniň.*

**IŇIRDILI**, *syp.* Igençli, ýürege düşgünç nägileçilikli.

**IŇIR-IŇIR: iňir-iňir etmek** iňirdemek, iňirdäp oturmak, iňirdäp durmak. *Ol iňir-iňir edip, ýürege düşdi.*

**IŇKIS** [iňki:s], *at.* Bir zat hakynda şübhe dörände ýüze çykýan ynjalyksyzlyk, ünji, alada. *Iňkise gitmek.*

**IŇKISLENMEK** [iňki:slenmek], *işl.* Iňkise gitmek, ünji edinmek, alada galmak, pikire batmak. *Ol iňkislenip otyrdy.*

**IŇKISLI** [iňki:sli], *syp.* Ünjüli, aladaly. *Ol näme üçin bir hili iňkisli görünýärkä?* (A. Geldiýew).

**IŇKISLIK** [iňki:slik], *at, ser.* **Iňkis**. *Ýöne weli, gyzlarym, onuň maňa seretmeginden ýüregime iňkislik gitdi* (A. Durdyýew).

**IŇKISLILIK** [iňki:slilik], *at.* Iňkisi barlyk, iňkisli bolmaklyk, iňkissiz dällik. *Ol iňkislilikden iripdi.*

**IŇKISSIZ**[iňki:ssiz], *syp.* Iňkisi ýok, iňkisli däl. *Iňkissiz bolup bolsa, oňa ýetesi näme bar?!*

**IŇKISSIZLIK**[iňki:ssizlik], *syp.* Iňkisi ýokluk, iňkissiz bolmaklyk, iňkisli dällik.

**IŇLEME**, *iş ady.* Agyrysyna çydap bilmän hykylap seslenmek, iňňildemek. *Atlaryň kişňemegi, ýaraly adamlaryň iňlemesi daglara ýaň saldy* (S. Myradow).

**IŇLEMEK**, *işl.* "Iň-ň" edip seslenmek. *Yns-jynssyz iňläp ýatan çöl*. **2**. Gam-gussa, agyry zerarly iňňildili ses çykarmak. *Kim gaçýardy, kim kowýardy, kim ýykylýardy, kim iňleýärdi* (B. Kerbabaýew). *Öýden iňläp ýatan hassanyň sesi eşidilýärdi.*

◊ **Iňläp ýatan çöl (meýdan)** giden uly giňişlik, boş ýer. **Iňlär siňek ýok** çolalyk, boşluk, hereketsizlik, janly jemende ýok; asudalyk, ümsümlik.

**IŇLEŞMEK**, *işl.* Köpçülikleýin iňlemek.

**IŇLETMEK**, *işl.* Iňlemäge mejbur etmek, iňläp durar ýaly etmek. *Radiony iňledip gitmesene! Sesini ýatyrsana!*

**IŇLIS** [iňli:s], *at, ser.* **Iňlisler**.

**IŇLISLER** [iňli:sler], *at.* Beýik Britaniýanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**IŇŇE**, *at.* **1**. Ýiti uçly, sapak ötürmek üçin gözli, inçeden gysgajyk sim şekilli metal enjam, tikin işinde ulanylýar. **2**. Ary, içýan ýaly mör-möjekleriň çakýan neşderi. *Saryja ary iňňesini sançmaga ýetişmedi.*

◊ **Iňňe bilen guýy gazan ýaly** ýerine ýetirmesi kyn, hysyrdyly iş barada aýdylýan meňzetme. **Iňňeden çykma** täze, gyly gyrylmadyk, egne geýilmedik, ýaňy tikilen. *Iňňeden çykma tahýa*. **Iňňe ýaly zat** kiçijik zat, ujypsyzja zat, sähelçe zat. *Iňňe ýaly zady hem görkezýäň düýe ýaly, Bir ujypsyz çöpe hem diýýärsiň söýe ýaly* (Ç. Gurbangylyjow). **Iňňe ýiten ýaly bolmak** zym-zyýat bolmak, birden gözden ýitmek. *Wiý, asyl senmidiň! Iňňe ýiten ýaly bolduň* (P. Körpäýew). **Iňňäň üstünde oturan ýaly** örän ynjalyksyz, howatyrly, galagoply ýagdaýda galmak. **Iňňä sapaýmaly bolmak** horlanmak, gaty inçelmek, sapaga dönmek, çöp ýaly bolmak.

**IŇŇEBAGJYK** [iňňeva:ğjyk], *at.* Bir ujuna beýleki ujuny ildirmek üçin kellejik ýasalan we berkitmek üçin ulanylýan temençe. *Ol ýakasyna iňňebagjyk dakdy.*

**IŇŇEJIK**, *at.* Kiçijik iňňe.*Gep başy iňňejik* (Nakyl).

**IŇŇELIK I**, *gepl.d.* Iňňe dürtüp goýmak üçin ýassyjak.

**IŇŇELIK II**, *at, ser.* **Teneçir 2**.

◊ **Iňňelik iýen ýaly** gaty horlanan, iňňä sapaýmaly bolan.

**IŇŇÄBÄBEK** [iňňä:bä:bek], *at, gepl. d.* Gundagdaky çaga. *– Daşyň gyzyl bolmajakdygyny men-ä men welin, iňňäbäbek hem bilýändir – diýdi* (N. Pomma).

**IŇŇÄ-IŇŇÄ** [iňňä:-iňňä:], *s. ş. aňl. söz.* Bäbegiň aglaýşyny aňladýan söz.

**IŇŇÄN** [iňňä:n], *köm. s.* Örän, juda, gaty. *Bu ýyl Türkmenistanyň güýzi iňňän ygally boldy*.

**IŇŇILDEMEK** [iňňillemek], *işl.* **1**. Agyra, yza çydaman iňlemek, zaryn, naýynjar seslenmek. *Syrkawyň iňňildisi köşeşdi.* **2**. Bir zatlar diýip, ynjalyk bermän oturmak, şol bir heňine tutup ýürege düşmek. *Çaga iňňildäp, ýürege düşdi.*

**IŇŇILDEŞMEK** [iňňilleşmek], *işl.* Bilelikde iňňildemek. *Biri o diýip, biri bu diýip, hersi bir ýanymdan iňňildeşip başladylar.*

**IŇŇILDETMEK** [iňňilletmek], *işl.* Iňňildemäge mejbur etmek. *Çagany biderek zat üçin iňňildetmesene!*

**IŇŇILDEWÜK** [iňňillöwük], *syp.* Iňňildäp ynjalyk bermeýän, iňňil-iňňil edip ýürege düşýän. *Beýle-de bir iňňildewük çaga bolar eken-ow!*

**IŇŇILDI** [iňňilli], *at.* **1**. Agyr haldaky adamyň zaryn sesiniň ady. *Zaryn iňňildi.* **2**. Zeýrenç, igenç. *Ýanýoldaşynyň iňňildisi.* **3**. *gepl. d.* Maşynyň, motoryň we ş.m. uzakdan eşidilýän sesi. *Maşynyň iňňildisi*.

◊ **Iňňildi başy bolup çykmak** öz diýenini etdirjek bolup, üznüksiz iňirdisi bilen halys etmek, ýadatmak. *Senem meniň maňlaýymdan iňňildi başy bolup çykdyň*.

**IŇRE**, *at.* Birine bolgusyz zat üçin iňirdeýän, igenjeň, käýinip, zeýrenip ýören.

**IŇRELIK**, *at.* Käýinjeňlik, iňirdegenlik, igenjeňlik.

**IŇRIK**, *at.* Günüň ýaşýan ýeri; gün batandan soňky howanyň ýüzi. *Iňrik garalyp ugramak.*

**IR** [i:r], *hal.* **1**. Daň bilen, säher, gün dogmazdan öň. *Ir bilen oýanmak.* **2**. Wagtyndan owal, öň. *Bu ýyl gyş ir düşdi.*

◊ **Ir günüňi giç etmek** bir işe başlajak bolanyňda wagt ýitirmek, işiňi gijä goýmak.

**IRDE-GIÇDE** [i:rde-gi:şde], *hal.* Haçan-da bolsa bir wagtda, öňde-soňda, wagty gelende. *Oglan irde-giçde gowy bagşy bolup ýetişer*.

**IRDEN** [i:rden], *hal.* **1**. Ir bilen, ir ertir, säher çagy. *Her gün irden ylgaýaryn.* **2**. *göç. m.* Başdan, ozaldan, ilki başdan. *Çagany terbiýelemäge irden başlamak gerek.*

**IRDIK**, *syp.* Malyň emjeginiň süýt çykýan deşigi, gözi.

**IRELMEK** [i:relmek], *işl., gepl.d.* Iri bolup başlamak, uly bolmak, ulalmak. *Erik-alma, şetdaly miweleri irelipdir.*

**IRELTMEK** [i:reltmek], *işl., gepl.d.* Iri etmek, ulaltmak. *Hojalygy ireltmek.*

**IREN-ARAN** [i:ren-a:ran], *at, göç. m.* Mynasyp däl adam, bor-bolgusyz adam. *Ol gazananyny iýip bilmän, husytlykda ýakasyny tanadyp ötüp gitdi, yzynda galan emlagine-de bir iren-aran eýe boldy.*

**IR-ERTIR** [i:r-erti:r], *hal.* Ir bilen, irden. *Ir-ertir işe diýip ýola çykýaryn. Ir-ertir, giç-agşam goňşy-golamlar diýip çykaýmam bardy weli, indi garrylyk bilen şonam başarmajak bolup durun.*

**IR-GIÇ** [i:r-ği:ç], *hal.* Wagty gelende, öňde-soňda, ahyryn, iru-giç, irde-giçde. *Ir-giç beren sözümde tapylaryn.*

**IRGIN** [i:rğin], *hal.* Bir zatdan iren, bizar bolan, ýadan.

**IRGINLIK** [i:rğinlik], *at.* Bir zatdan argynlyk, ýadawlyk, leji çykan halda bolmaklyk.

**IRGINSIZ** [i:rğinsiz], *syp.* Ýadawsyz, irmän-arman, birsyhly, ara salym salman, yzyny üzmän. *Irginsiz zähmet*.

**IRGINSIZLIK** [i:rğinsizlik], *at.* Ýadawsyzlyk, argynsyzlyk, irmezeklik. *Irginsizlik bilen okalan ýyllar*.

**IRGÖZIN** [i:rğözüýn], *hal.* Ir bilen, gijä galman, gijikmän, garaňky gatlyşmanka. *Irgözin ýola çykmaly.*

**IRGÖZINLIK** [i:rğözüýnlük], *at.* Gijä galmazlyk, öz wagtynda. *Irgözinlikde ýola düşdük.*

**IRI** [i:ri], *syp.* **1**. Uly, ownuk däl, saýyrdyň. *Iri mal. Iri gawun.*

◊ **Iri pul** gymmaty ýokary tutuş kagyz pul. *Maňa ellilik, ýüzlük ýaly iri pul bersene*.

**IRIGÖZ** [i:riğöz]**: irigöz elek** atylan harmanyň gyzylyny jaryndan we beýleki garyndylardan saýlamak üçin içegeden, simden örülen gözleri giň elek; bugdaý elenýän elek. *Ýagyş çala şitirdese, goýy damjalar irigöz elekden geçen bugdaý ýaly ýagýardy* (B. Kerbabaýew).

**IRI-IRI** [i:ri-i:ri], *syp.* Has iri, uly, saýlama. *Iri-iri almalar, narlar gözüňi dokundyrýar* ("Nesil").

**IRIKGE** [irikge] **irikge bolmak** *ser.* **Irikgä**. *Ol maňa irikge bolup garaşýandyr* (T. Gurbanow).

**IRIKGÄ** [irikgä:] **irikgä bolmak** birine ýa-da bir zada garaşmak, garaşyp halys bolmak, garaşyp irmek.

**IRILEMEK** [i:rilemek], *işl.* Iri-iri etmek, ownuk, kiçi zatlary ulaltmak. *Bölek, ownuk pullary irilemek.*

**IRILENMEK** [i:rilenmek], *işl.* Öňkä görä iri bolup başlamak. *Gar irilenip başlady.*

**IRILIK** [i:rilik], *at.* Iri ýagdaýynda bolmaklyk, saýyrdyňlyk, ululyk. *Onuň öz ýanyndan bu adamlaryň iriligine gözi gidýärdi*.

**IRILI-OWNUKLY** [i:rili-ownukly], *syp.* Iri we ownuk gatyşyk, ululy-kiçili. *Irili-ownukly mallar oba tarap eňip barýardylar.*

**IRIMÇIK** [i:rimçik], *syp.* **1**. Kiçi bolmadyk, ula ýakyn, ownuk däl. *Gara gazanyň içindäki patrak ýaly, irimçik endigan dişleri akjaryp görünýär* (B. Kerbabaýew). **2**. Göwresi uly, döşlek, daýaw, girdenek däl. *Ol uzyn boýly irimçik adamdy* ("Garagum"). **3**. Inçe bolmadyk, ýogyna ýakyn. *Irimçik sapak.*

**IRIMTIK** [i:rimtik], *syp., ser.* **Irimçik**. *Irimtik ýygyrtly lopbuş ýüzlerinde gahar alamatlary peýda boldy* (N. Pomma).

**IRINJEŇ**, *syp.* Bir işi etmäge ýaýdanjaň, göwünjeň bolmadyk. *Ol irinjeň adamdyr, barmaly ýere-de barmaz.*

**IRINJEŇLIK**, *at.* Ýaltalyk, ýaýdanjaňlyk, göwünjeň dällik. *Irinjeňlik köp işden goýýar.*

**IRINMEK**, *işl.* Bir işi etmäge ýaýdanmak, ýaýdanyp durmak. *Çagyrylan ýere bar, irinme, çagyrylmadyk ýerde görünme* (Atalar sözi).

**IRIŇ**, *at.* Bedende dörän ýarada, çişde emele gelýän sarymtyl-gögräk reňkli hapa suwuklyk, goýy jerhet.

◊ **Iriň kültemek** ýara iriň toplanmak, ýygnanmak.

**IRIŇLEMEK**, *işl.* Bedende dörän ýarada, çişde iriň toplanmak, jerhet ýygnanmak.

**IRIŇLETMEK**, *işl.* Iriň ýygnanmaga ýol bermek. *Sowuk suwa eliňi urup, ýaraňy iriňledipsiň.*

**IRIŇLI**, *syp.* Iriň baglan, azyp, simläp jerhetlän. *Iriňli ýara*.

**IRIŞDE**: **irişdäňi üzmek** edýän tamaň çykmazlyk, islegiň amala aşmazlyk (*ser*. **Rişde**).

**IRIŞME**, *at.* Esasan, atyň kellekisiniň alkym halkasyna baglanýan zynjyr ýa-da ýüp. *Daşarda bedewi ýene bir ýola siňňin gözden geçirdi-de, onuň uýanyny, dogabagyny düzedişdirip, irişmäni ogluna uzatdy* (O. Ödäýew).

**IRIŞMELEMEK**, *işl.* Atyň kellekisine irişme baglamak. *Agylyň gapdalynda ýatan keçäni alyp, onuň üstüne atdy, biline çeki çekdi, irişmeledi* (G. Kulyýew).

**IR-IÝMIŞ** [i:r-iýmiş], *at.* Dürli miweleriň umumy ady, miweleriň her dürlüsi.

**IRIZDIRMEK** [i:rizzirmek], *işl., ser.* **Irizmek**.

**IRIZEGEN** [i:rizegen], *syp., ser.* **Iriziji**.

**IRIZEGENLIK** [i:rizeğenlik], *at.* Bir zady gaýtalap ýadadaganlyk, bizar, bez edegenlik. *Seniň henizem şol irizegenligiň-ow.*

**IRIZIJI** [i:riziji], *syp.* Ýadadyjy, ardyryjy, şol bir äheňde gaýtalanyp duran, ýürege düşüji, bezikdiriji. *Iriziji güwwüldi.*

**IRIZMEK** [i:rizmek], *işl.* Bir zat üznüksiz gaýtalanyp ýadatmak, halys etmek, bizar-peteňiňi çykarmak, ýürege düşmek *Ondan-oňa entäp ýörmek meni halys irizdi* (T. Gurbanow).

**IRKI** [i:rki], *syp.* **1**. Säherdäki, irden başlanýan. *Onuň irki işi çagalaryny naharlap, mekdebe ugratmakdan başlanýar.* **2**. Başky, ilki döwürdäki, ilki başky. *Ýyldyzly asmanyň hoştap howasy irki alabaharyň ysyny getirýärdi* (B. Kerbabaýew). *Irki döwürleriň ýaşlary kynçylykdan gaçdy diýmeýärin* ("Nesil"). **3**. Ir ýetişýän, tiz hasyla durýan (ekin barada). *Irki kelem. Irki hyýar.*

**IRKILDIRIJI** [irkilliriji], *syp.* Ukyňy tutduryjy, ymyzgandyryjy.

**IRKILDIRMEK** [irkillirmek], *işl.* Birine irkilmäge mümkinçilik bermek.

**IRKILIŞMEK**, *işl.* Birnäçe bolup irkilip başlamak. *Çagalar ilkagşamdan irkilişip başladylar.*

**IRKILJIREMEK**, *işl.* Alasarmyk uklamak, çala irkilmek, oýaly-ukuly gözüňi süzmek, ymyzganmak. *Ol boş wagtyndan peýdalanyp, irkiljiräp otyrdy* ("Garagum").

**IRKILJIREŞMEK**, *işl.* Iki ýa köp bolup irkilmek. *Olar irkiljireşip otyrdylar.*

**IRKILJIRETMEK**, *işl.* Irkilmäge mejbur etmek. *Gaýgyly mukam ony irkiljiretdi.*

**IRKILME**, *iş ady.* Irkilmek ýagdaýy.

**IRKILMEK**, *işl.* Uka gitmek, oýaly-ukuly ýatmak, çalarak uklamak, ymyzganmak.

**IRLAND**[irla:nt], *at, ser.* **Irlandlar**.

**IRLANDIÝALY** [irla:ndiýaly], *at, ser.* Irlandiýanyň ýaşaýjysy.

**IRLANDLAR** [irla:ntlar], *at.* Irlandiýanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**IRLEMEK** [i:rlemek], *işl.* Ertir ir bilen barmak, gelmek; wagtyndan ir ugramak, gitmek, gelmek. *Bu ne beýle irläpsiň, hernä eýgilikdir-dä?* (T. Gurbanow). *Irläpsiň-le! Entek iş wagty gutaranok ahyry?!*

**IRMEK** [i:rmek], *işl.* Bir zatdan, işden, kimdir birinden ýadamak, armak, halys bolmak, bizar bolmak.

**IRMEZ-ARMAZ** [i:rmez-a:rmaz], *syp.* Irmäni-ýadamany bilmeýän, irginlik, argynlyk duýmaýan. *Ol tüýs irmez-armaz adamdyr.*

**IRMEZEK** [i:rmezek], *syp.* Bir işden ýadamaýan, armany bilmeýän; tutanýerli. *Bermezek taňrydan irmezek awçy alar* (Nakyl).

**IRMÄN-ARMAN** [i:rmä:n-a:rma:n], *hal.* Ýadamagy-ýaltanmagy bilmän, bizar bolman; tutanýerli. *Ýokary hasyl aljak bolsaň, irmän-arman işlemeli* ("Nesil").

**IRNIK**, *syp.* **1**. Kyn, agyr, çylşyrymly. *Aman-esen geçen ýaly, Wakalaryň irniginden* (K. Gurbannepesow). **2**. Her bir zada aňsat göwni ýetmeýän, örän ynjyk. *Ol örän irnik adam, köp zada göwni ýetmeýär.*

◊ **Irnigi ýok** zeleli ýok, zyýany ýok. *Diýen zadymy getirmegi ýadyňdan çykaran bolsaň, irnigi ýok-la, soň bir gezek ýoluň düşende getirjek bolarsyň-da.*

**IRNIKLIK**, *at.* **1**. Kynlyk, agyrlyk, çylşyrymlylyk. *Men ol işiň irnikliginden çekinemok.* **2**. Her bir zada aňsat göwni ýetmezlik, örän ynjyklyk, irnigiň ýagdaýy, bolşy.

**IRNIŞMEK**, *işl.* Bilelikde irinmek. *Sähelçe işden çekinip, irnişip oturmaň.*

**IRU-GIÇ** [i:ru:-ği:ç], *hal,ser.* **Ir-giç**. *Ol bu işde iru-giç öz sözüni aýtmaly boljakdy* (B. Seýtäkow). *Ol iru-giç gaýdyp geler*.

**ISGENE** [isğene], *at.* Agaç deşmek, köwmek üçin ulanylýan agaç saply, ujy ýiti ussaçylyk enjamy, gural. *Ol söýäni isgene bilen köwüp başlady.*

**ISGENELEMEK** [isğenelemek], *işl.* Isgene bilen köwmek, deşmek. *Ol ýonulan agajy isgeneläp deşdi.*

**ISGENJE** [isğenje], *at.* Stoluň gyrasyna berkidilip, agzyna bejerilýän önüm gapjadylyp işlenýän ussaçylyk guraly. *Ol bir bölek demri isgenjä gapjatdy-da, törpülemäge durdy.*

**ISIM**, **1**. *at, kön.s.* At (adam ady). *Ismim düşdi ilden-ile, Nagyş ederler dilden-dile* (Magtymguly). *Ismim idi Nurmuhammet Garyp, Sözde tahallusym idi Andalyp* (Andalyp). **2**. *gepl. d.* At, sypat, san, çalyşma ýaly at hyzmatynda gelýän söz toparlarynyň ady.

**ISLAND** [isla:nt], *at, ser.* **Islandlar**.

**ISLANDLAR** [isla:ntlar], *at.* German dil toparyna degişli bolup, Islandiýanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**ISLANDIÝALY** [isla:ndiýaly], *at.* Islandiýanyň ýaşaýjysy.

**ISLE**, *köm. s.* "Ýa, ýa-da, goý" ýaly sözlere derek ulanylýan kömekçi söz. *Ol, isle aýdym bolsun, isle-de saz – hemmesinden baş çykarýar.*

**ISLEDIK**, *syp., gepl. d.* Islän, islendik, halan, göwnüňe ýaran. *Biziň zamanamyzda ýaşlar isledik halypalaryna gol berip bilýärler* ("Edebiýat we sungat").

**ISLEG** [isleğ], *at.* **1**. Bir zat barada edilýän arzuw, küýseg, höwes. *Biziň gözel Watanymyzda aýdym-saza bolan isleg has-da artdy* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *göç.m.* Talap, meýil. *Önümçilik ösdügiçe, adamlaryň islegleri artýar.*

**ISLEG-ARZUW** [isleğ-arzuw], *at.* **1**. Adamda döreýän höwes hem arzuw. *Gelin-gyzlar dokan halylaryna diňe bir irginsiz zähmet siňdirmän, eýsem oňa yhlaslaryny, isleg-arzuwlaryny hem siňdiripdirler*

("Nesil"). **2**. Haýyş, tabşyryk, pikir. *Belki, onuň isleg-arzuwy bardyr*.

**ISLEGLI** [isleğli], *at.* Islenýän, höwes, arzuw edilýän, bolsady diýip küýselýän, söýgüli. *Gel, balam, islärler seni, Islegliň bagdadyr bagda* ("Saýatly – Hemra").

**ISLEMEK**, *işl.* Bir zady küýsemek, bir zada höwes bildirmek, arzuw etmek.

**ISLENDIK** [islennik], *syp.* Her bir isläniň, göwnüňe ýaraýan. *Islendik türkmen maşgalasy hakynda söz açylanda, ozaly bilen onuň döwletliligi, ýagny akylly-başly öý bikelidigi, menikli, edepli ogully-gyzlydygy barada gürrüň edilýär* ("Mugallymlar gazeti").

**ISLENMEK**, *işl.* Bir zat küýselmek, arzuw edilmek, bir zada höwes bildirilmek, islegli bolmak.

**ISLESEŇ-ISLEMESEŇ**, *giriş s*. Bir iş etmäge göwneseň-göwnemeseň, bir zada höwesiň, meýliň bardygyna-ýokdugyna garamazdan. *Isleseň-islemeseň, indi mejbury işledilýän döwür geçdi.*

**ISPAN** [ispa:n], *at, ser*. **Ispanlar.** *Ispan halky. Ispan dili.*

**ISPANLAR** [ispa:nlar], *at.* Ispaniýanyň esasy ilatyny düzýän halk.

**ISRIP** [isiri:p], *hal.* Zaýa, harap. *Hasyly isrip etmän ýygnamak.*

**ISRIPÇILIK** [isiri:pçilik], *at.* Zaýaçylyk, harap-çylyk, bisarpalyk. *Däne ýygnamakda isripçilige ýol bermeli däl.*

**ISRIPSIZ** [isiri:psiz], *hal.* Isrip etmän, zaýasyz, ýitgisiz, harap etmän. *Her bir pagtaçynyň pikir-aladasy pagtany öz wagtynda hem-de isripsiz ýygnamakda* (N. Baýramow).

**ISTEMEK**, *işl.,k.d.* Islemek. *Istese deň-duşlar başa altyn täç, Pakyrlyk mülkünde maňa bergin paç* (Magtymguly).

**ISTIHAN** [istiha:n], *at, ser.* **Ystyhan 2**. *Zelili diýr, kiştim suwda synandyr, Istihanym yşk oduna ýanandyr* (Zelili).

**IŞ** [i:ş], *at.* **1**. Maddy we ruhy kanagatlanma almak üçin çekilýän akyl hem-de beden zähmeti. *Ýurduň her bir raýaty öz ýerine ýetirýän işlerinden başga-da, özüni ata Watanda bolup geçýän ähli döwletli işleriň jümmüşinde saýýar* ("Mugallymlar gazeti"). **2**. Bir edarada, guramada we ş.m. ýerine ýetirilýän wezipe, edilýän gulluk, kär. **3**. Ýüze çykan zat, waka, hadysa. *Bolan işe ökünme* (Atalar sözi). *Gijeler gördügim düýşdür, Aýralyk bir ýaman işdir* ("Görogly"). **4**. Tabşyryk, ýumuş, möhüm. *Işiň düşende bir merde, Ýaman günde gala bolar* (Magtymguly). **5**. Çekilen zähmetiň netijesi, önüm, eser. *Bäş ýylda bir kitap eden işimiz* (Magtymguly). **6**. Aýal-gyzlaryň elde edýän inçe keşdesi, tikin-çatyn, örýän we ş.m. zatlary. **7**. *hukuk*. Jenaýatçynyň, günäkäriň etmişiniň ýazgysy. *Onuň işini tejribeli sülçi alyp barýar.* **8**. *göç.m.* Etmiş, ýazyk. *Iki dostuň arasynda, ýaman-ýowuz iş olmasyn* (Magtymguly).

◊ **Iş bolmak (bermek)** derdeser, alada, ünji, hysyrdy bolmak. *Ony köşetmek iş boldy* (B. Kerbabaýew). **Işden çykyşmak** köp wagt işlemezlik sebäpli, soň işe gowy girişip bilmezlik, iş ukybyň kemelmek. **Işden eliň sowamak** belli bir sebäbe görä, edýän işiňe sowuk-sala garamak, ýaramaz işläp başlamak. **Iş dolandyryjy** işiň ýerine ýetirilmegine ýolbaşçylyk edýän, işiň ýolbaşçysy, guramaçysy. **Işe bişmek (bişişmek)** her bir işe gaýym bolmak, işe werdiş bolmak, her işiň abyny-tabyny bilmek. **Iş edinmek** azap etmek, köp zähmet çekmek. *Ak köýnege degen gara tegmili aýyrmak üçin iş edinmeli boldy*. **Işe elini urmazlyk** hiç hili iş etmezlik, iş bilen meşgul bolmazlyk. *Öýde belli işe elini urman, Aýlandy iki ýan bir ýerde durman* (A. Kekilow). **Işe girizilmek** işledilip ugralmak. *Men lukmançylygyň iň täze enjamlary bilen enjamlaşdyrylan nobatdaky sagaldyş toplumlarynyň ýa-da hassahanalaryň işe girizilen wagty özümi iň bagtly we buýsançly adam saýýardym* (Gurbanguly Berdimuhamedow, "Garaşsyzlyga guwanmak. Watany, halky söýmek bagtdyr"). **Iş görmek 1)** işlemäge endik etmek, iş başarmak. **2)** bir zady ýaşyrynlyk bilen amala aşyrmak, bir zada gizlin taýýarlanmak. **Iş güni 1)** edarada, kärhanada işlenýän wagtyň dowamlylygy. *Iş güni sagat dokuzda başlanýar*. **2)** dynç alynýan gün däl-de, edarada, kärhanada işlenýän gün, zähmet çekilýän gün. *Ertir iş guni, men oba gidip bilmerin.* **Iş haky** bir işi, wezipäni ýerine ýetirmek üçin tölenýän pul ýa-da zat. **Işi başyndan agdyk** işi çendenaşa köp, artyk, uçursyz kän. **Işini görmek** birini ýa bir zady sandan çykarmak, harap etmek, heläk etmek. **Işini gutaran!** dereksiz iş bilen meşgullanýan, bolgusyz hereket edýän, bolgusyzlyk edýän adama aýdylýar. *– Haý, işini gutaran. Şu boýuňa aşyk oýnamaly bolduňmy!?* **Işiň bolmasyn!** azar berme, işine gatyşma. **Işiň düşmek** kimdir birine "ýumşumy bitireweri" diýip ýüz tutmak. **Işiň gaýtmak** bagtyň ýatmak, heläkçilikli ýagdaýa düşmek. **Işiň ilerik!** tutan işiň oň bolsun (alkyş sözi). *Dokma ýüwürdip oturan gelin "Işiň ilerik!" diýen sese başyny galdyrdy-da, "Ýaşyň uzak!" diýip jogap berdi.* **Işiňi kör etmek** bir zat sebäpli işiňi taşlamak, edýän işiňi gijikdirmek, işi owarram etmek. **Işiň pyrryk bolmak** iş we durmuş ýagdaýyň howp astynda bolmak. **Iş-işden geçmek** nämedir bir zadyň boljagy bolmak, düzederden geçmek. **Iş kesmek** birine günäsine görä jeza bermek, ýyl kesmek. **Iş maly** sürüme, ýüke we ş.m. ýaraýan düýe, ýaby we beýleki mallar. **Iş otagy** işlenýän ýörite otag; işlemek üçin ýörite abzallaşdyrylan otag. **Iş salyşmak (salyşmazlyk)** bir edara ýa-da adam bilen bir iş ýa-da mesele boýunça aragatnaşykda bolmak. *Bäşim onuň bilen iş salşyp görmändi* (A. Gurbanow). **Iş sapary** bir ýere gidilip

ýerine ýetirilýän gulluk tabşyrygy. *Ol on günlük iş saparyna gitdi*. **Iş taşlamak** zähmet şertlerinden, iş hakynyň tölenişinden närazy bolup, işe çykman ýa-da iş etmän garşylyk görkezmek. **Iş tertibi** bir işiň meýilnamasy, işiň maksadynyň, mazmunynyň beýany. **Iş topary** bir guramanyň garamagyndaky ýörite hukuga eýe bolan adamlar topary. *Dil boýunça iş toparynyň agzalary*. **Iş ukybyňy ýitirmek** belli bir sebäbe görä, iş başarjaňlygyňdan, işläp bilmek mümkinçiliginden mahrum bolmak, galmak. **Iş ýüzünde görmek** bir zady tejribede görmek, öz gözüň bilen görüp ynanmak.

**IŞ-ALADA** [i:ş-alada], *at*. Çekilýän zähmet we şonuň bilen baglanyşykly aladalar; iş-güýç hem ünji.

**IŞAN** [i:şa:n], *at*. **1**. Dini dereje. **2**. Oglana dakylýan at.

**IŞBIL** [işvil], *at*. **1**. Urkaçy balygyň tohumy, ýumurtgajygy. **2**. Balyk tohumyndan taýýarlanýan iýmit önümi.

**IŞÇI** [i:şşi], *at*. Öndürijilikli zähmet bilen meşgullanýan hünärli şahs.

◊ **Işçi güýji 1)** işlemäge ukyby bolan adam, işçi. *Täze başlanan gurluşyklar üçin ummasyz işçi güýji gerek*. **2)** bir zady öndürmäge gönükdirilen zähmet, güýç.

**IŞÇI-DAÝHAN** [i:şşi-daýha:n], *at*. Işçi we daýhan adamlar, senagatda we oba hojalykda işleýän zähmetkeş adamlar. *Garaşsyzlyk zamanasy işçi-daýhanyň köp wagtlap arzuwlap garaşan zamanasydyr*.

**IŞDEŞ** [i:şdeş], *at*. **1**. Bir ýerde bile işleýän kärdeş. *Ol öz işdeşi bilen tanyşdyrdy. Işdeş ýoldaş*. **2**. Bilelikde bir iş bilen meşgullanýan, bir iş alyp barýan adam.

**IŞDÄ** [işdä:], *at*. **1**. Adamda iýmäge-içmäge bolan isleg, höwes, meýil. *Işdä bilen nahar iýmek*. **2**. *göç.m*. Köp zada eýe boljak bolmak islegi, nebis. *Bu ýerde onuň işdäsi ösüp, ýetjek derejesine ýetipdir* ("Türkmenistan").

◊ **Işdä açylmak** nahar iýmäge isleg, meýil döremek. **Işdäňi ýakmak** nahar wagty gaharlanyp ýa-da başga bir sebäp bilen işdäň kesilmek. **Işdäňiz açyk bolsun!** iýýän tagamlaryňyz janyňyza noş bolsun! *Ol nahary öňüne alan adamlara "Işdäňiz açyk bolsun!" diýip ýüzlendi*. **Işdäň tutulmak** *ser*. **Işdäsi kesilmek**. **Işdäsi kesilmek** belli bir sebäbe görä, iýmäge höwesi gaçmak. **Işdäsine sogan dogramak** biriniň bir zada bolan höwesini gaçyrmak, nebsini köýdürmek, lapyny keç etmek.

**IŞDÄLI** [işdä:li], *syp*. **1**. Nahar iýmäge meýli bolan, işdäsi açyk, nahary höwes bilen iýýän, işdämen. – *Sen haýal etme-de iýiber, men ýaňyja iýdim – diýemsoň, Annaguly işdäli iýmäge oturdy* (A. Durdyýew). **2**. *göç.m*. Bir işe ýa-da bir zada höwes bilen ýapyşmak. *Daýhanlar indi öz ýerine yhlasly, işine işdäli ýapyşarlar*.

**IŞDÄLILIK** [işdä:lilik], *at*. **1**. Işdäsi barlyk, iýmek-içmäge meýillilik, işdäsi açyklyk, işdämenlik. *Janyň näsag bolanda-da işdälilik gerek*. **2**. *göç.m*. Bir işe ýa-da bir zada höweslilik.

**IŞDÄMEN** [işdä:men], *syp*. **1**. Işdäsi gowy, işdäli. *Olar nahary işdämen ...iýmäge başladylar* (N. Pomma). **2**. *göç.m*. Bir işe ýa-da bir zada höwes bilen ýapyşýan, hyjuwly.

**IŞDÄMENLIK** [işdä:menlik], *at*. **1**. Işdälilik, horanlyk, iýmäge meýillilik. *Bezemen eýerlenen başga bir at kellesini ahyra sokup, gury bedäni işdämenlik bilen gütürdedýärdi* (G. Kulyýew). **2**. *göç.m*. Bir işe ýa-da bir zada bolan höweslilik, hyjuwlylyk. *Ol bu işe gaty işdämendi*.

**IŞDÄSIZ** [işdä:siz], *syp*. Işdäsi ýok, kemişdä, çümhörek. *Ol nahary işdäsiz, göwünli-göwünsiz iýen bolup otyrdy*.

**IŞDÄSIZLIK** [işdä:sizlik], *at*. Işdäsiz bolmaklyk, işdäsi ýokluk, kemişdälik, çümhöreklik. *Işiň köplügindenmi ýa-da işdäsizligindenmi, ol şol daňdanky içen çaýy bilen uzyn gün gezdi* ("Watan").

**IŞDIRMEK** [i:şdirmek], *işl*. Işmek işini başga birine etdirmek. *Häzir gölämize nogta işdirjek diýip, ejesi ýüň daragyny öňünden aýyrdy* (A. Durdyýew).

**IŞEŇŇIR** [i:şeňňir], *syp*. Iş etmekde tapawutlanýan, iş başarýan, işjeň. *Işeňňir gyz*.

**IŞEŇŇIRLIK** [i:şeňňirlik], *at*. Iş bitirmekde tapawutlanyjylyk, iş başaryjylyk, işjeňlik.

**IŞEWÜR** [i:şöwür], **1**. *syp*. Işine ezber, ökde, işjeň. **2**. *at*. Telekeçilik edýän adam. *Daşary ýurtly işewürler hem bu gurluşyga gatnaşýarlar* ("Nesil"). **3**. *syp*. Telekeçilik edýän adamlara degişli. *Işewür toparlar*.

**IŞEWÜRLIK** [i:şöwürlük], *at*. **1**. Işewür bolmaklyk; işewüre mahsus bolan häsiýetleri özünde jemlemeklik. *Ol işewürligi, ula-kiçä ýakymlylygy bilen obadaşlarynyň arasynda at-abraý, ynam gazandy* ("Türkmenistan"). **2**. Telekeçilik.

**IŞGÄR** [i:şğä:r], *at*. Önümçilikde, kärhanada, edarada işleýän, belli bir wezipäni, işi ýerine ýetirýän adam.

**IŞGIL** [işğil], *at, kön.s*. Atyň, eşegiň aýagyna urulýan ýörite ýasalan gulply zynjyr.

**IŞIGAÝDAN** [i:şiğaýdan], *syp*. Çykgynsyz ýagdaýa düşen, heläkçilige uçran (agyr ýagdaýa sezewar bolan adam hakynda aýdylýar) .

**IŞIGAÝTGYNÇYLYK** [i:şiğaýtgynçylyk], *at, ser*. **Işigaýtgynlyk**.

**IŞIGAÝTGYNÇYLYKLY** [i:şiğaýtgynçylykly], *syp*. Betbagtçylykly, heläkçilikli.

**IŞIGAÝTGYNLYK** [i:şiğaýtgynlyk], *at*. Betbagtlyk, heläkçilik, şowsuzlyk.

**IŞIK** [i:şik], *at*. **1**. Gapynyň iki söýesiniň arasyndaky bölegi, bosaga; ätlenip girilýän ýer. **2**. Gapy. **3**. *göç.m*. Gapynyň daş we iç tarapy, gapa ýakyn ýer. *Daş işik. Iç işik*. **4**. Öýüň öň tarapy, jaýyň gapy tarapyndaky giňişlik.

◊ **Aşaky işik ýaly (**adam hakynda**)** kiçigöwünli, ýer ýaly. *Ol aşaky işik ýaly adamdyr*.

**IŞIKSÖÝE** [i:şiksöýö], *at.* Gabsanyň iki ýanyndaky gapynyň petleleri berkidilýän dik agaçlar, söýe.

**IŞILMEK** [i:şilmek], *işl.* Bir din, ýagny ýalaňgat bolsa – tow berilmek, iki gat bolsa – bükdürilmek. *Ýüpekden işilen kiriş*.

**IŞINMEK** [i:şinmek], *işl.* Özüň üçin işmek. *Ol ýüpekden alaja işinip otyrdy.*

**IŞIŞMEK** [i:şişmek], *işl.* **1**. Işmäge kömekleşmek. *Çoluk ýaşuly çopana ýüp işişýärdi.* **2**. Bilelikde işmek.

**IŞJANLY** [i:şşa:nly], *syp.* Işe jany-teni bilen berlen. *Işjanly çopan.*

**IŞJANLYLYK** [i:şşa:nlylyk], *at.* Işe jany-teni bilen berlenlik.

**IŞJEŇ** [i:şşeň], *syp.* **1**. Iş başarýan, işiň abyny-tabyny bilýän, işe ökde, işeňňir. *Işjeň adam.* **2**. *göç.m.* Gyzgalaňly, netijeli. *Hususy eýeçiligi barha işjeň ösdürmeli.*

**IŞJEŇLIK** [i:şşeňlik], *at.* Işjeň ýagdaýda bolmaklyk. *Ýagtylyk bilen gözüň işjeňligini ýokarlandyrmak.*

**IŞLEDILMEK** [i:şledilmek], *işl.* **1**. Bir iş ýerine ýetirdilmek, amal etdirilmek. *Pagta meýdanynda diňe ulular işledilýär.* **2**. Tow berlip, otlanyp we ş.m. ýol bilen herekete getirilmek. *Motor işledilmek. Sagat işledilmek. Sowadyjy işledilmek.*

**IŞLEMEK** [i:şlemek], *işl.* **1**. Gol ýa-da akyl zähmeti bilen meşgullanmak, zähmet çekmek. **2**. Hyzmaty ýerine ýetirmek üçin hereket etmek (her hili enjamlar, mehanizmler hakynda). *Degirmen işleýär. Sagat işleýär.* **3**. Bir zady bejermek (ýer, bagana we ş.m. hakynda). *Ýer işlemek*. **4**. Abat, sag ýagdaýda bolmak, öz işini ýerine ýetirmek. *Barmaklarym işleýär. Ýüregi işleýär.*

◊ **Kellaň işlemek** *ser.* **Kelle**.

**IŞLENILMEK** [i:şlenilmek], *işl., ser.* **Işlenmek**.

**IŞLENMEK** [i:şlenmek], *işl.* **1**. Iş edilmek, zähmet çekilmek. **2**. Düzedilmek, sünnälenmek. *Hekaýa onuň awtory tarapyndan gowy işlenipdir*.

**IŞLEŞMEK** [i:şleşmek], *işl.* **1**. Işlemäge kömekleşmek. *Men onuň mellek ýerinde uzyn günläp işleşdim.* **2**. Köpçülik bolup bile işlemek. *Beýlekiler işleşip ýören wagty, elimi gowşuryp oturmak göwnüme jaý däldi* (A. Durdyýew). **3**. Biri bilen bile işlemek, ýoldaş, kärdeş bolup bir ýerde işlemek, aragatnaşykda bolup işlemek. *Uly adamlar bilen deň işleşmelidi* ("Edebiýat we sungat").

**IŞLETMEK** [i:şletmek], *işl.* Birine iş etdirmek, işi ýerine ýetirtmek. **2**. Bir zady herekete getirmek, işe girizmek.

**IŞLI** [i:şli], *syp.* **1**. Eli boş däl, iş bilen meşgullanýan, işi köp, eli degmeýän. *Işsiz gelip, işlini işden goýar* (Atalar sözi). **2**. Iş bilen baglanyşykly, ýumuşly-tabşyrykly, haýyş bilen. *Men işli geldim.* **3**. *gepl.d.* Eli hünärli, inçe işi oňat başarýan, çeper. *Eli işli gelin.*

**IŞLIK** [i:şlik], *at,dil b.* Gymyldy-hereketi, ýagdaýy aňladyp, zamanda, ýöňkemede we sanda üýtgeýän söz topary.

**IŞLILIK** [i:şlilik], *at.* **1**. Eli boş dällik, işe meşgullyk, eli degmeýän ýagdaýda bolmaklyk. *Ol işlilik sebäpli çagyrylan ýere baryp bilmedi.* **2**. *gepl.d.* Eli hünärlilik, inçe işe ökdelik, eli çeperlik.

**IŞME** [i:şme] **I**, *iş ady.* Işmek ýagdaýy.

**IŞME** [i:şme] **II**, *at, kön. s., zergärç.* Saçbagyň ujuna dakylýan kümüş ýa altyn şaý. *Saçbagyň ujunyň simdir işmesi* (Magtymguly).

**IŞME** [i:şme] **III**, *at.* Deňziň gyralarynda ýer gazyp, süýji suw alynýan çukur, oý, guýy.

**IŞMEK** [i:şmek], *işl.* Süýlen çöpüri, ýüňi, sapaklary, ýüp tarlaryny birleşdirip tow bermek. *Çoluk eline bir penje ýüň alyp, çepegine bag işdi.*

**IŞ-PIŞE** [i:ş-pi:şe], *at.* Bir zada meşgullyk, eklenç ýa-da güzeran, güýmenje üçin çekilýän zähmet; kär, hünär, kesp. *Onuň işi-pişesi okamak, ýazmak.*

**IŞ-PIŞESIZ** [i:ş-pi:şesiz], *syp.,ser.* **Işsiz-pişesiz**. *Iş-pişesiz mydam bürenip ýatmak, Bir bidert sagat jana ýaraşmaz* (Baýly şahyr).

**IŞSIZ** [i:şsiz], *syp.* **1**. Belli bir iş, kär bilen meşgullanmaýan, eli boş; bikär. **2**. Iş tapylmaýandygy sebäpli, ýaşaýyş serişdesinden mahrum bolan, eklenç üçin zähmet çekmäge iş tapmaýan.

**IŞSIZLIK** [i:şsizlik], *at.* **1**. Iş bilen meşgullanmazlyk, eli boşluk; bikärlik. **2**. Iş tapmaýandygy sebäpli, eklenç çeşmesiz, ýaşaýyş serişdesiz galmaklyk.

**IŞSIZ-PIŞESIZ** [i:şsiz-p:işesiz], *syp.* Hiç zat bilen meşgul bolmaýan, zähmete güýmenmeýän, bikär.

**IŞSÖÝMEZ** [i:şsöýmöz], *syp.,ser.* **Işýakmaz**.

**IŞŞEK**, *at.* Iki ýaşyň içindäki goýun.

**IŞŞEKÇER**, *syp.* Jahyl çykyp barýan ýetginjek oglan. *Işşekçer jahyl.*

**IŞÝAKMAZ** [i:şýakmaz], *syp.* Belli bir işiň başyny tutmaýan, işýakmaz, işsöýmez, ýalta.

**IT**, *at.* **1**. Möjekler maşgalasyndan bolan süýdemdiriji öý haýwany. *It üýrer, kerwen geçer* (Nakyl). **2**. *göç.m.* Gaharjaň, gyňyr, hyýrsyz, sähel zada jabjynýan;nejis (adam hakynda). Ol-a bir barypýatan it ekeni. **3**. Müçe hasaby boýunça on birinji ýylyň ady. *It ýyly.*

◊ **It alan sanaja döndermek** biriniň bar aýbyny, kemçiligini aýtmak, paş etmek. **It aýagyny iýen ýaly** bir ýerde uzak durmaýan, gezegen, ykmanda, bir ýerde uzak eglenmän ygyp ýören. **It bilen pişik ýaly** biri-biri bilen oňuşmaýan, biri-birini görende jyny atlanýan. **It degmek** biriniň, bir zadyň arzysy gaçmak, gymmaty kemelmek, gadyrsyzlanmak. **Itden aç-da ýok, dynç-da** aňrujy gün-

güzerany aýlansa, işlemegi, zähmet çekmegi halamaýan adam hakynda aýdylýar. **Itden alyp, ite bermek** al petinden almak, ýüzüni almak, dalamak; ýazylganlyk bermän, çykgynsyz güne salmak. **Itden beter aç** gaty aç, örän aç. **Itden beter ýigrenmek** öte ýigrenmek, gaty erbet görmek. **Itden çykarmak** ugradan kişi bolup, atyp öldürmek, ýarag ujundan öldürmek. **Itde san bar, onda san ýok** il deňinde görülmeýän, adam hatarynda ugry idelmeýän, sansyz, maslahat-sala salynmaýan, äsgerilmeýän. **It dişi 1)** atanaklaýyn tikilýän tikiniň bir görnüşi, gyňaç tikilende bölekleriniň arasyny biri-biri bilen sapak arkaly birleşdirýän tikin. **2)** ýokarky hatarda dişleriň arasynda nädogry ýerden çykan diş, hatar dişiň üstünden çykan aňňy diş. **Ite bir sümek bergisi bar** bergisi gaty köp (*asly*: **ite bir süňk bergisi bar**). **It eýesini, pişik bikesini tananok** agdar-düňder, başly-barat, bitertip. **It göresi däl** edilişi, ýasalyşy, bolşy şeýle bir ýaramaz, görer ýaly däl. **It görse, gözi agarjak** hatda it hem çydajak däl, adam çekip çydar ýaly däl, ejirli, jebirli. **It haýyr görmez** hiç kime peýdasy degmeýän adama aýdylýar. *Ol-a bir barypýatan it haýyr görmez adam eken.* **Iti aldap uran ýaly etmek** namartlyk edip jeza bermek, aldawa salyp, niýetiňi amala aşyrmak, bigaýratlamak. **Iti kowup, ýerinde ýatyp ýören** sansyz, kär ýaramaýan, işden gaça durýan, bikär. **It indegi ýok** düýbünden indelenok, gereklenenok, gowy hyzmat edilenok. *Çagyrylanymyz üçin toýa barmasyna-ha bardyk welin, it indegimiz bolmady.* **Itiň art aýagyndan suw içmek** kyn, agyr günde ýaşamak, ejirli durmuşda gün görmek. **Itiň çykmak** gaty ýadamak, lütüň çykmak, halys bolmak. *Gezip-gezip, itim çykdy.* **Itiň güni** örän kyn. *Ulagyň bolmasa, sähere gitmegem itiň güni*. **Itiň güni bilen** zordan, kynçylyk bilen, zoraýakdan. **Itiň haly dokaýşy ýaly** yzy-soňy gelmeýän, wagty bilen bitmeýän (iş barada). **It iýer ýaly däl** tagamsyz (nahar hakynda). **It janly** çydamly, kynçylykdan, zähmetden gaýtmaýan, jany berk. **It masgarasy bolmak** wejera iş edip, ile masgara bolmak, masgara bolup gözden düşmek, öz günäň bilen biabraý bolmak. *Gaýtam, her gezek ýeňlip, it masgarasy bolup gidýärler* ("Görogly"). **It masgarasy etmek** birini iliň öňünde biabraý etmek, birini masgaralamak. **It otlan ýaly 1)** ugursyz-utgasyz, näme diýýänine düşüner ýaly däl. **2)** çalak-çulak edilen, bitertip (iş barada). **It ýaly** bir zat diýip ýüz tutsaň, ýüzüňi alyp duran, yzgytsyz. *Ol-a bir it ýaly adamdyr.* **It ýalyny yssy bermek** içini ýakmak. **It ýandakdan böken ýaly** ýaramaz ýerine ýetirilen, göwnejaý edilmedik zat hakynda aýdylýar. **It ýassanan ýaly** birahat, gorkuly, ünjüli bolmak. **It ýylgyryşyny etmek** syrtarylyp ýylgyrmak, ýalym-ýulum edip, ýaramsaklyk bilen ýylgyran bolmak.

**ITALIÝALY** [ita:liýaly], *at.* Italiýanyň ýaşaýjysy.

**ITALÝAN** [italýa:n], *at, ser.* **Italýanlar**.

**ITALÝANLAR** [italýa:nlar], *at*. Roman dil toparyna degişli bolup, Italiyýanyn esasy ilatyny düzýän halk.

**ITAÝY**, *at.* Aýynyň bir görnüşi, doňza meňzeş aýy.

**ITBAKAR**, *at,gepl.d.* It bakýan adam.

**ITBALYK** [itba:lyk], *at.* Suwda ýüzüşip ýören guýruklyja, owunjak gurbaga çagalary.

**ITBURUN**, *at, ösüml. d.* Ýabany bägül we onuň derman üçin ulanylýan gyzyl güldüýbüsi.

**ITDIRMEK**, *işl.* Itmegi tabşyrmak, itertmek. *Demir sandygy jaýyň burçuna itdirdi.*

**ITDIRMEK** [i:tdirmek], *işl.* Itmegi (i:tmegi), başyny çekdirmegi birine tabşyrmak, buýurmak. *Düýäni itdirmek.*

**ITEK-ÇOMAK** [itek-çomok], *at, ser.* **Itenek-çomanak.**

**ITEKLEMEK**, *işl.* **1**. Bir zady öňe-yza ýa-da gapdala itmek, itip süýşürmek. *Arabanyň yzyndan iteklemek.* **2**. Südürlemek, südeneklemek. *Itekläp çykarmak*. **3**. *göç. m.* Bir ýere ugrukdyrmak, gönükdirmek, imrindirmek. *Onuň bilen parahatçylykda dynç ýaşamak arzuwy ony öňe itekleýärdi* (B. Seýtäkow).

**ITEKLENMEK**, *işl.* Iterilmek. *Ol çep gapdaldan iteklenenini duýman galdy.*

**ITEKLEŞDIRMEK**, *işl.* Eýläk-beýläk itişdirmek, yzly-yzyna iteklemek, iteleşdirmek.

**ITEKLEŞMEK**, *işl.* **1**. Iteklemäge kömek bermek. **2**. Bilelikde itmek. *Adamlar ýatan maşyny itekleşip durdular.* **3**. Biri-biriňi iteklemek. *Olar biri-birlerini itekleşip, bir zady görmekçidiler* ("Garagum").

**ITEKLETMEK**, *işl.* Başga birine itdirmek. *Ol sandygy diwara tarap itekletdi.*

**ITELEMEK**, *işl.* Gaýta-gaýta, yzly-yzyna itmek. *Gapyny iteledi-de: – Eje, aý eje! – diýip gygyrdy*.

**ITELENMEK**, *işl.* Gaýta-gaýta, yzly-yzyna itilmek. *Dikilgi agaç itelenendir, bolmasa beýdip düýbi gowşamazdy.*

**ITELEŞDIRMEK**, *işl., ser.* **Itekleşdirmek**. *Ol öňünden çykanlary iteleşdirip, maşyna tarap ýol açdy* (G. Kulyýew).

**ITELEŞIK**, *at.* Dyknyşykda biri-biriňi ikibaka iteleme ýagdaýy.

**ITELEŞMEK**, *işl.* **1**. Itelemäge kömekleşmek. **2**. Bilelikde itelemek. *Oglanlar agyr çelegi iteleşip durdular.* **3**. Biri-biriňi itelemek, yzly-yzyna itmek. *Adamlar biri-birini iteleşip, gapydan çykdylar* ("Garagum").

**ITELETMEK**, *işl.* Itelemek işini, hereketini başga birine etdirmek.

**ITELGI** [itelği], *at.* Elguş, awa salynýan guşuň bir görnüşi. *Birnäçe ýigidiň elguşy, garçgaý, laçyn, itelgisi*

*bolsa, birnäçesiniň atynyň yzynda uzyn aýakly, inçe billi, salpy gulak bedew tazylar, ýüz-gözlerini tüý basyp duran kiçijik ysgawlar bardy* ("Görogly").

**ITEMJEK**, *at,lukmanç.* Bedende dömüp çykýan iriňli çiş.

**ITENEKBAZAR** [itenekba:zar], *at, gepl.d.* Jygyllyk bazar. *Itenekbazar derýanyň ilersindedi* (N. Atdaýew).

**ITENEK-ÇOMANAK** [itenek-çomonok], *hal.* Zordan, kynlyk bilen, ýykma-ýykylma. *Men itenek-çomanak edip, zordan onuň öýüne bardym*.

**ITENEKDE-ÇOMANAK** [itenekde-çomonok], *hal,ser.* **Itenek-çomanak**. *Iki bolup, itenekde-çomanak ugralla gidip otyrys* ("Edebiýat we sungat").

**ITERGI** [iterği], *at.* Bir zadyň öňe gitmegine sebäp bolan çäre ýa-da biriniň bir işe meýlini oýarmak üçin goldaw. *Täze stadion sportuň öňe gitmegine itergi boldy.*

**ITERILMEK**, *işl.* Itelenmek.

**ITERIŞDIRMEK**, *işl.* **1**. Birnäçe zady yzly-yzyna itermek, süýşürişdirmek, itekleşdirmek. *Köçäniň gyrasyndaky çagyllary oý ýere iterişdirdik.* **2**. Bir ýa-da birnäçe zatdan dynmak maksady bilen sowuşdyrmak, iberişdirmek, ýollaşdyrmak.

**ITERIŞMEK**, *işl.* Itermäge kömekleşmek.

**ITERMEK**, *işl.* **1**. Birini ýa-da bir zady itip süýşürmek, ýerinden gozgamak, itmek. **2**. Südürlemek, südürdiklemek, südeneklemek. **3**. *göç. m.* Birinden ýa bir zatdan dynmak maksady bilen, başyňdan sowmak, ibermek, ýollamak. *Daşrak ýere itermek.*

**ITEŞEN**, *at,lukmanç.* Ýakymsyz zat iýmek netijesinde we nädogry iýmit çalşygy sebäpli adamyň endamyna örýän pakgarçakly ýa-da gyzgylt reňkli gijilewükli örgün.

**IT-GUŞ**, *at.* Itler-guşlar, janly jandarlar. *It-guş ah eýledi kylan zaryma, Ýatanlar oýandy, sen oýanmadyň* (Mollanepes).

**ITGYZGAN** [itgyzğan], *at, ösüml. d.* Ýapraklarynyň ujy ýiti tikenli, mal iýmeýän gaty baldakly ot. *Ýöne welin itgyzganam, bägülem, Toprak atly bir enäniň balasy* (M. Seýidow).

**ITIGI** [iti:ği], *at,lukmanç.* Köplenç, çagada bolýan süňk inçekeseli.

**ITIGILI** [iti:ğili], *syp.* Itigi keseline duçar bolan, süňk inçekeseli bilen kesellän.

**ITILMEK**, *işl.* Iterilmek. *Gapy bat bilen itildi* (T. Gurbanow).

**ITINMEK**, *işl., gepl.d.* Bir işi etjek bolup çalyşmak. *Ol häliden bäri tigrini bejerjek bolup itinip otyr.*

**ITIŞDIRMEK**, *işl.* Birnäçe zady eýläk-beýläk sürüşdirmek, süýşürişdirmek, ikibaka itekleşdirmek, yzly-yzyna itmek. *Olaryň her haýsyny bir tarapa itişdirip, howludan çykdy* (A. Gowşudow).

**ITIŞMEK**, *işl.* **1**. Itmäge kömekleşmek. *Birine çelegi itişmek.* **2**. Bilelikde itmek. *Sürüji bilen ýene bir adam duran maşyny itişip durdular*. **3**. Biri-biriňi itmek. *Näme, itişip dursuňyz, dek durup bileňzokmy?*

**ITKÖLEGE** [itkölöğö], *at.* Günüň öňüni örtýän kiçijik bulutdan ýere düşýän kölege. *Itkölege derrew geçip gitdi.*

**ITME** [itme], *iş ady.* Itmek ýagdaýy.

**ITME** [i:tme], *iş ady.* Itmek ýagdaýy.

◊ **Itme kör 1**) iki gözi hem kör bolansoň, idilmese hiç ýere gidibilmeýän adam. **2**) hiç zatdan habarsyz, zatdan başy çykmaýan, ederini-goýaryny, etjek işini seljermeýän. *Men hem özümi itme kör hasap edemok* (B. Kerbabaýew).

**ITMEK**, *işl.* Birini ýa bir zady bir tarapa güýç bilen süýşürmek, itekläp ýerinden gozgamak.

**ITMEK** [i:tmek], *işl.* **1**. Başyny çekip, öz yzyň bilen alyp gitmek, öz yzyň bilen ýöretmek (mal hakynda). **2**. Batyl adamy elinden tutup ýöretmek, äkitmek.

**ITNIŞIK**, *at.* Adamyň ýa malyň köp bolan ýerindäki dyknyşyk.

**ITNIŞMEK**, *işl.* Köpçülik arasynda biri-biriňi itelemek. *Bolgusyz itnişip durmaň!*

**ITSIŇEK** [issiňek], *at.* Sarymtyl reňkli, ýasyja ganatly, köplenç, itiň endamynda bolýan siňek.

**ITTIRSEK**, *at.* Gabagyň kirpikli ýerinden dömüp çykýan agyryly düwürtik.

**ITÜZÜM**, *at, ösüml.d.* **1**. Ýapragy tuduňka meňzeş ot. **2**. Şol ösümligiň üzüme çalymdaş garaja ownuk miwesi.

**IÝEGEN** [iýeğen], *syp., ser.* **Iýermen**. *Ol iýegen ekeni.*

**IÝEGENLIK** [iýeğenlik], *at, ser.* **Iýermenlik**. *Aşa iýegenligem gowy däl.*

**IÝERLIK**, *syp.* **1**. Iýmäge ýaramlylyk, iýip bolýan. *Gawunyň iýerligi bar.* **2**. Iýmek üçin gerekli iýmit, oňňut üçin azyk. *Men öz öýüme iýerlik eltdim-de, indi seniň ammaryňy doldurmagym galdy* (B. Kerbabaýew).

**IÝERMEN**, *syp.* **1**. Köp iýmegi halaýan, iýegen. *Ol tüýs iýermen adam.* **2**. *gepl.d.* Ynsabyny ýitiren, döwlet, il emlägine el garýan, eli egri.

**IÝERMENLIK**, *at.* **1**. Köp iýmegi halaýan. *Onuň iýermenligine haýran galdyk*. **2**. *gepl.d.* Döwletiň, iliň emlägine el garyjylyk, eli egrilik.

**IÝDIRMEK**, *işl.* **1**. Naharlamak, nahar-şam edindirmek; eklemek, saklamak. *Halky bütin iýdirýän, geýdirýän oba hojalygy ahyry* (B. Kerbabaýew). *Çagajyga süýtli tüwi iýdirmek.* **2**. Ýok etdirmek, zaýalatmak. *Aý, näbileýin, onam syçana iýdiräýdiňmikäň öýtdüm* (A. Durdyýew). **3**. Göwse, ýelne süýt inmek, emzikden süýt akyp başlamak. *Sygry iýdiren badyna, göläniň nogtasyndan çekip aýyrdy* (A. Gowşudow).

4. *göç.m.* Birine hakyňy gidermek, aldyrmak. *Dükança on teňňämi iýdiripdirin.*

**IÝGI-IÇGI** [iýği-içği], *at.* Iýip-içer ýaly zatlar.

**IÝIJI**, *syp.* **1**. Iýip düzümini dargadýan, kem-kemden inçeldýän (käbir himiki jisimler hakynda). **2**. *gepl. d.,ser.* **Iji**.

◊ **Iýiji gurt ýaly** alyp-ýolup barýan. *Pylanyň ogly edil iýiji gurt ýaly, gözüň içindäkinem aljak.*

**IÝIJILIK**, *at.* Aşgaryň, kislotanyň we ş.m. dargatmak, iýip inçeltmek häsiýeti. *Aşgaryň iýijiligi.*

**IÝILMEK**, *işl.* **1**. Iýlip gutarylmak. *Çaý-çörek iýlenden soň, her kim işli-işine dargady* (G. Kulyýew). **2**. Sürtülme netijesinde ýonulyp inçelmek, iglemek. *Arabanyň oky iýlipdir.*

**IÝIP-IÇMEK** [iýiv-içmek], *işl.* Nahar edinmek. *Ol bol-telki iýip-içmegi gowy görýärdi* ("Watan").

**IÝIŞDIRMEK**, *işl.* Bir ýanyndan iýmek, kem-kemden iýmek, yzygiderli köp iýmek, iýip gutarmak. *– Baryndan iýişdirip oturyň – diýdi* (Ö. Abdyllaýew).

**IÝIŞMEK**, *işl.* **1**. Iýmäge kömekleşmek. *Özuňem iýşäýmeseň, nahar ýeke özüme gutartmaz.* **2**. Bile iýmek. *Siz bilen birnäçe wagt duz-çörek iýişdik* (B. Kerbabaýew).

**IÝM**, *at.* Mallara bermek üçin zerur bolan arpa, däne, sarun, künjara ýaly iýmitler. *Örüden gelen mallarymyza iým berip, ýatagyň gapysyny ýapýançak, iňrigem garaldy* ("Watan").

◊ **Iým düşmek** esasan arpany, bugdaýy köp iýeni üçin, gylýalyň aýagyna zyýan ýetmek. **Iýmini basdyrmak** çapylýan aty iýmini iýenden soň gezdirmek, iýenini siňdirmek.

**IÝMÇI**, *syp.* Elden iým iýmäge endik eden, eldeki. *Iýmçi tokly.*

◊ **Iýmçi guza (tokla) dönmek** gysmyljyramak, içgin durmak.

**IÝMEDIKSIREMEK**, *işl.* Iýmek islese-de iýmezlik, iýmedik bolmak.

**IÝMEK**, *işl.* **1**. Iýmit kabul etmek, naharlanmak, iýmitlenmek. *Türkmen çöregini, türkmen tagamyny iýen ikinji gezek iýsem diýip arzuwlaýar* ("Watan"). **2**. Igletmek, dargatmak. *Iň bolmanda, kislotanyň metaly iýýändigini-hä inženerler hem bilýär ahyry* ("Watan"). **3**. *göç.m.* Biriniň hakynyň ujundan almak, ýonmak, öz hasabyna geçirmek. *Kişiň hakyny iýjek adam däldir* (H. Derýaýew).

◊ **Iýeni aýry gitmezlik** ýakyn dostluk gatnaşygynda bolmak, syr alyp, syr berişmek, dogan ýaly bolup gezmek. *Ol ikisi iýeni aýry gitmeýän dostdy.* **Iýen nanyna degmezlik** elinden iş gelmezlik, iş başarmazlyk, iýeniňi haklamazlyk. *Gözel bardyr dünýä malyn iýdirseň, Bardyr gözel iýen nanyna degmez* (Magtymguly). **Iýeniň burnuňdan gelmek** görgi baryny görmek, horluk görmek. **Iýeniň haram bolsun** iýeniň janyňa batmasyn, burnuňdan gelsin. **Iýip barmak 1)** diňkäňi dikmek, gözüňi aýyrman içgin seretmek. **2)** gaharlanmak, azm urmak.

**IÝMEK-IÇMEK** [iýmeğ-içmek] **I**, *işl., ser.* **Iýmek 1**. *Iýseň-içseň wagtyň çagdyr, Sähra bolar ýurtlary* (Baýram şahyr).

**IÝMEK-IÇMEK** [iýmeğ-içmek] **II**, *at., ser.* **Iýmit**. *Olary iýmek-içmekden hor etmedi* ("Watan").

**IÝMLEMEK**, *işl.* Iým bermek. *Çopan mallaryny iýmledi.*

**IÝMLENMEK**, *işl.* Iým berilmek.

**IÝMLETMEK**, *işl.* Iýmlemegi birine tabşyrmak.

**IÝMLI**, *syp.* **1**. Içine iým guýlan, içinde iými bar bolan. *Iýmli torbany gören ýaby hokrandy.* **2**. Iým berlen.

**IÝMLIK**, *at.* Iýme ýararly, iým bolarlyk bugdaý, arpa.

**IÝMIŞ**, *at.* Miweli agajyň iýilýän şireli hasyly, miwesi.

**IÝMIT**, *at.* Iýmek üçin zerur bolan önüm, azyk; nahar. *Spirtli içgileri içmek, agyr iýmitleri iýmek saglygyňyza zyýan eder* ("Nesil").

**IÝMITLENDIRILMEK** [iýmitlennirilmek], *işl., ser.* **Iýmitlendirmek 2**. *Her gektar ýer ýerli dökün bilen iýmitlendirildi* ("Watan").

**IÝMITLENDIRMEK** [iýmitlennirmek], *işl.* **1**. Iýmit bermek, beden üçin zerur zatlary bermek. *Çagalaryň saglygynyň düýbüni tutmagyň esasy usuly ene süýdi bilen iýmitlendirmekdir* (Gurbanguly Berdimuhamedow. "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr"). **2**. Topragy gurplandyrmak üçin ders dökmek, dökün bermek. *Munuň üçin kelem düýplerini mazaly bejermeli, aldygyndan iýmitlendirmeli* ("Türkmenistan"). *Topraga yzgar bermek, ony dökünler bilen iýmitlendirmek bir wagtda geçirildi* ("Nesil").

**IÝMITLENMEK**, *işl.* Iýmit kabul etmek, bedene zerur zatlary, maddalary almak.

**IÝMITLIK**, *syp.* Iýmit bolarlyk, iýmitiň ornuny tutup biljek (önüm).

**IÝMSIZ**, *syp.* Iým berilmedik. *Iýmsiz mal mälär durar.*

**IÝUL** [iýu:l], *at.* Milady senenamasy boýunça ýylyň ýedinji aýy.

**IÝUN** [iýu:n], *at.* Milady senenamasy boýunça ýylyň sekizinji aýy.

**IZIN** [izi:n], *at, ser.* **Idin**. *Şony akyla getirmek üçin, men sizden izin soraýaryn* (B. Kerbabaýew).

**IZINLI** [izi:nli], *syp.,ser.* **Idinli**. *Izinli gaýdan bolsaňyz, ýagşy bolardy* (B. Kerbabaýew).

**IZINSIZ** [izi:nsiz], *syp., ser.* **Idinsiz**. *Izinsiz gaýdanyňyz üçin, çäre görmeli bolar.*

**IZLEMEK** [izilemek], *ser.* **Izzildemek**.

**IZLETMEK** [iziletmek], *işl.* Izzildemäge itermek, mejbur etmek.

**IZZILDEMEK** [izzillemek], *işl.* Izläp aglamak, yzyny kesmän izläp durmak (çaga hakynda). *Ol izzildäp halys etdi.*

**IZZILDETMEK** [izzilletmek], *işl.* Izzildemäge mejbur etmek.

**IZZILDI** [izzilli], *at.* Köplenç, çaga izläp aglanda çykýan ses. *Daşarda naýynjar izzildi eşidildi*.

# J

**J**, Türkmen elipbiýiniň on birinji harpy.

**JABJYNAGAN** [javjynağan], *syp.* **1**. Gaharly, hyrsyz üýrmegi endik edinen (it hakynda). **2**. *göç. m.* Jabjynmaga, gaharly gygyrmaga, heňkirmäge endik eden.

**JABJYNDYRMAK** [javjynnyrmak], *işl.* **1**. Gaharly üýrdürmek, haw-hawlatmak (it hakynda). **2**. *göç.m.* Biriniň ýüzüni aldyrmak, üstüne heňkirtmek.

**JABJYNMA** [javjynma], *iş ady.* Jabjynmak ýagdaýy.

**JABJYNMAK** [javjynmak], *işl.* **1**. Gaty üýrmek, gaharly haw-hawlamak (it hakynda). *Birden it jabjynyp, üýrüp başlady.* **2**. *göç.m.* Birine ajyňy pürkmek, azgyrylmak, biriniň ýüzüni dalamak. *Görýämiň, atasyna-da jabjynýar* (B. Kerbabaýew).

**JABJYNMAKLYK** [javjynmaklyk], *iş ady.* Jabjynmak ýagdaýy.

**JABJYNMAZLYK** [javjynmazlyk], *iş ady.* **1**. Gaharly üýrmezlik (it hakynda). **2**. *göç. m.* Azgyrylmazlyk, ajyňy pürkmezlik.

**JABJYNYBERMEK** [javjynyvermek], *işl.* Gaharly üýrüp başlamak (it hakynda). **2**. *göç.m.* Azgyrylyp başlamak.

**JABJYNYŞMAK** [javjynyşmak], *işl., göç.m.* Biri-biriňe jabjynmak, gaharly gygyryşmak. *Olar nähak zat üçin jabjynyşdylar*.

**JADY** [ja:dy], *at.* **1**. Köneden gelýän yrymlara görä adamlara, tebigata täsir edip bilýän syrly tilsimler,gözbagçylyk. **2**. *gepl. d., ser.* **Jadygöý**.

◊ **Jadysy bar ýaly** özüne çekmäge ukyply, özüne çekiji.

**JADYGÖÝ** [ja:dyğöý], *at.* **1**. Jadylamak bilen meşgullanýan, göz baglaýan adam, gözbagçy. **2**. *göç.m.* Güýçli täsir galdyrýan, özüne çekýän, ýesir ediji, erkiňi alýan, jadylaýan.

**JADYGÖÝLIK** [ja:dyğöýlük], *at.* Jadygöýiň kesp-käri, gözbagçylyk, jadylama bilen meşgullanma. *Onuň jadygöýlikden hem habary barmyş diýýärler* (B. Seýtäkow).

**JADYGÖÝÇILIK** [ja:dyğöýçülük], *at, ser.* **Jadygöýlik**.

**JADYLABERMEK** [ja:dyla:vermek], *işl.* **1**. Jadylap başlamak. **2**. Jadylamagy dowam etdirmek.

**JADYLAMA** [ja:dylama], *iş ady.* Jadylamak ýagdaýy.

**JADYLAMAK** [ja:dylamak], *işl.* **1**. Göz baglamak. **2**. *göç.m.* Özüne bent etmek, erkini almak, owsunlamak.

**JADYLAMAKLYK** [ja:dylamaklyk], *iş ady.* Jadylamak ýagdaýy.

**JADYLAMAZLYK** [ja:dylamazlyk], *işl.* Owsunlamazlyk, özüňe bent etmezlik, jadylaman durmaklyk.

**JADYLANMAK** [ja:dylanmak], *işl.* Jady edilmek. *Maňlaýy sakar ata syn edýänler, edil jadylanan ýaly bolup, ondan aýrylyp bilmeýärdiler* (B. Kerbabaýew).

**JADYLATMAK** [ja:dylatmak], *işl.* Birini özüňe bent etdirmek.

**JADYLAÝJY** [ja:dylaýjy], *syp.* **1**. Jady ediji, göz baglaýjy, gözbagçy. **2**. *göç.m.* Ýesir ediji, özüne çekiji. *Mehinliniň jadylaýjy gözleri üçinmi, ol birhili myssaryp başlady* (B. Kerbabaýew).

**JADYLAÝYŞ** [ja:dylaýyş], *iş ady.* Jadylamak ýagdaýy.

**JADYLY** [ja:dyly], *syp.* **1**. Jady bilen hereket edýän. *Jadyly erteki. Jadyly guş.* **2**. Täsin galdyryjy, ýesir ediji, özüne çekiji, erkiňi alýan. *Emma söýgi diýen jadyly zada, Höküm etmez eken hiç hili kada* (K. Gurbannepesow). *Jadyly söz.*

**JADYLYLYK** [ja:dylylyk], *at.* **1**. Jadysy barlyk. **2**. *göç.m.* Ýesir edijilik, özüne çekijilik.

**JAGGYLDABERMEK** [jağğylla:vermek], *işl.* **1**. Jyggyldyly ses çykyp başlamak. *Biz-ä näme bolanyny bilmedik, birden jaggyldaberdi.* **2**. Jaggyldamagy dowam etdirmek.

**JAGGYLDAMA** [jağğyllama], *iş ady.* Jaggyldamak ýagdaýy.

**JAGGYLDAMAK** [jağğyllamak], *işl.* Jaggyldyly ses çykmak. *Bagdan guşlaryň jaggyldaýan sesi gelýär.*

**JAGGYLDAMAKLYK** [jağğyllamaklyk], *iş ady.* Jaggyldamak ýagdaýy.

**JAGGYLDAMAZLYK** [jağğyllamazlyk], *iş ady.* Jaggyldyly ses çykmazlyk.

**JAGGYLDAŞMAK** [jağğyllaşmak], *işl.* Ýerli-ýerden jaggyldyly ses çykarmak. *Guşlaryň jaggyldaşýan sesleri eşidilip dur.*

**JAGGYLDY** [jağğylly], *at.* Jagyl-jugul owazly, galmagally, garyşyk ses.

**JAGGYLDYLY** [jağğyllyly], *syp.* Jagyl-jugul owazly, galmagally, garyşyk sesli. *Guşlaryň jaggyldyly sesi eşidilip durýardy.*

**JAGYLDA-JUGUL** [jağylla-juğul], *at, ser.* **Jagyl--jugul**.

**JAGYL-JUGUL** [jağyl-juğul], *at.* Garjaşyk çykýan ses, çagalaryň garyşyk çykýan şowhunly sesi. *Oba bu gün daň atandan jagyl-jugul bilen ördi* (B. Kerbabaýew).

**JAGYRDABERMEK** [jağyrda:vermek], *işl.* Jagyrdaşyp başlamak, ýerli-ýerden jagyrdap başlamak.

**JAGYRDADYBERMEK** [jağyrdadyvermek], *işl.* Jagyrdyly ses çykaryp başlamak.

**JAGYRDAMA** [jağyrdama], *iş ady.* Jagyrdamak ýagdaýy.

**JAGYRDAMAK** [jağyrdamak], *işl.* Jagyrdyly seslenmek, jagyr-jugur ses etmek. *Onuň jagyrdaýan sesi eşidilip dur*.

**JAGYRDAMAKLYK** [jağyrdamaklyk], *iş ady.* Jagyrdamak ýagdaýy.

**JAGYRDAMAZLYK** [jağyrdamazlyk], *iş ady.* Jagyrdyly ses çykmazlyk.

**JAGYRDAŞMAK** [jağyrdaşmak], *işl.* Üýşüp, köp bolup, jagyrdyly ses çykarmak.

**JAGYRDAŞYBERMEK** [jağyrdaşyvermek], *işl.* Ýerli-ýerden jagyrdyly ses çykaryp başlamak.

**JAGYRDATMAK** [jağyrdatma], *işl.* Jagyrdyly ses çykartmak.

**JAGYRDAÝYŞ** [jağyrdaýyş], *iş ady.* Jagyrdamak ýagdaýy.

**JAGYRDY** [jağyrdy], *at.* Jagyrdyly, jagyr-jugur bolup çykýan sesiň ady.

**JAGYR-JUGUR** [jağyr-juğur], *s. ş. aňl. söz.* Çagalar üýşüp, sesli gepleşenlerinde ýa-da guşlar saýraşanda çykýan ses. *Olar jagyr-jugur edip otyrlar.*

**JAHALAT** [jaha:lat], *at, k. d.* Nadanlyk, bilimsizlik.

**JAHAN**, *at.* **1**. Dünýä. *Seýl edeliň bu jahana, Jahanda näler görüner* (Magtymguly). **2**. Gyza dakylýan at.

◊ **Jahan urşy** birnäçe uly döwletleriň gatnaşmagynda bolýan dünýä urşy. *Ikinji jahan urşy*. **Jahan ýagtylmak** daň atmak, howa ýagtylyp başlamak.

**JAHANGIR** [jahanği:r], *syp.,k. d.* Ýurtbasar, basybalyjy, uruşparaz.

**JAHANGIRLIK** [jahanği:rlik], *at.* Ýurtbasarlyk, basybalyjylyk, uruşparazlyk.

**JAHANKEŞDE**, *syp.***1**. Syýahat edýän, gezende, syýahatçy. *Magtymguly jahankeşde şahyr bolupdyr.*

**JAHANKEŞDELIK**, *at.* Syýahat edijilik, gezendelik, syýahatçylyk.

**JAHYL** [ja:hy:l], *syp.* **1**. Nadan, sowatsyz, bilimsiz. *Jeň eýleme jahyl bilen* (Mätäji). **2**. Tejribesiz. *Bu ýaşyň içinde jahyl ýördüňmi* (Zynhary). **3**. Ýigitlik ýaşyndaky, juwan.

◊ **Jahyl çykmak** ulalyp ýigit çykmak. *Pylanynyň ogly jahyl çykypdyr, indi ene-atasy bilini berk guşap, gyz gözlegine çykybermeli bolupdyr.*

**JAHYLÇYLYK** [ja:hy:lçylyk], *at, ser.* **Jahyllyk**.

**JAHYLLYK** [ja:hy:llyk], *at.* Ýigitlik, juwanlyk, ýigitlik çagy. *Jahyllygyň joşy çykdy başymdan, Men ol joşdan haly bolup galyp men* (Magtymguly).

**JAHYLRAK** [ja:hy:lra:k], *syp.* Jahyl çykyp barýan, jahyllyga golaýlan.

**JAHYLSYRAMA** [ja:hy:lsyrama], *iş ady.* Jahyl boljak bolmak.

**JAHYLSYRAMAK** [ja:hy:lsyramak], *işl.* Özüňi jahyl görkezjek bolmak, jahyl boljak bolmak. – *Meniň kakam aslynda bir jalaý, beg kişi bolupdyr welin, soňky wagtlarda-ha hasam beter jahylsyraýar* (A.Gowşudow).

**JAHYLSYRAMAZLYK** [ja:hy:lsyramazlyk], *iş ady.* Özüňi jahyl görkezjek bolmazlyk.

**JAKGYLDABERMEK** [jakgylla:vermek], *işl.* Jakgyldap başlamak, jak-jak edip gülüp başlamak.

**JAKGYLDADYBERMEK** [jakgylladyvermek], *işl.* Jak-jak etdirip güldürip başlamak.

**JAKGYLDAMA** [jakgyllamak], *iş ady.* Jakgyldamak ýagdaýy.

**JAKGYLDAMAK** [jakgyllamak], *işl.* **1**. Ýiti sesli saýramak, jak-jak edip saýramak. *Bir guşuň jakgyldap saýraýany eşidilýärdi.* **2**. *göç. m.* Jak-jak edip gülmek, gaty sesli hezil edip gülmek. *Onuň aýdan hekaýasynyň manysyny bilenden soň,ol jakgyldap gülüp başlady.*

**JAKGYLDAMAKLYK** [jakgyllamaklyk], *iş ady.* Jakgyldamak ýagdaýy.

**JAKGYLDAMAZLYK** [jakgyllamazlyk], *iş ady.* Jak-jak edip, gaty ses bilen gülmezlik; jakgyldap saýramazlyk.

**JAKGYLDAŞMAK** [jakgyllaşmak], *işl.* Köp bolup jak-jak edip gülmek. *Giden çemenzarlygyň içinde guşlar jakgyldaşýardy.*

**JAKGYLDATMAK** [jakgyllatmak], *işl.* Jakgyldadyp gülmek.

**JAKGYLDAMAKLYK** [jakgyllamaklyk], *işl.* Jakgyldamak ýagdaýy.

**JAKGYLDY** [jakgylly], *at.* Käbir guşlar saýranda çykýan gaty, güýçli ses. *Bilbiliň jakgyldysy-da eşidilýärdi* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç. m.* Jak-jak edip çykýan gülki, jakgyldap gülnende çykýan ses. *Uzuk muňa jakgyldap güldi-de, aşak eglip, goşawujyny dolduryp, suw aldy* (H. Derýaýew).

**JAK-JAK: jak-jak etmek (urmak)** *ser.* **Jak-gyldamak**. *Jak-jak edip saýraşýar, Bagtyň şeýda*

*bilbili. Gezip, ýaryn agtarýar, Ol söýdügi ter güli* (Ş. Kekilow). *Açyldy al-ýaşyl reňbe-reň güller, Şahasynda jak-jak urýar bilbiller* (A. Kekilow).

**JAK-JAKLABERMEK** [jak-jakla:vermek], *işl.* Jak-jak edip gülüp başlamak, yzygiderli jak-jaklap gülüp ugramak.

**JAK-JAKLAMA**, *iş ady.* Jak-jaklamak ýagdaýy.

**JAK-JAKLAMAK**, *işl., ser.* **Jakgyldamak**. *Şerebeli sözler bilen gygyryp, jak-jaklap güldi* (N. Pomma).

**JAK-JAKLAMAKLYK**, *iş ady.* Jak-jaklap gülmek.

**JAK-JAKLAMAZLYK**, *iş ady.* Jak-jaklap gülmezlik.

**JAKYRDABERMEK** [jakyrda:vermek], *işl.* Jakyrdap başlamak.

**JAKYRDAMA**, *iş ady.* Jakyrdamak ýagdaýy.

**JAKYRDAMAK**, *işl.* **1**. Jakyrdyly ýiti ses çykmak (käbir guşlaryň sesi hakynda). *Gapymyzdaky ak çadyr bolup oturan erikde alahekik jakyrdady* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Gaty sesli jakyr-jakyr edip gülmek. – *Şeý diýsene! – diýip, çyny bilen jakyrdap güldi* (N. Jumaýew).

**JAKYRDAMAKLYK**, *iş ady.* Jakyrdamak ýagdaýy.

**JAKYRDAMAZLYK**, *iş ady.* Jakyrdyly ses çykmazlyk.

**JAKYRDAŞMAK**, *işl.* Köp bolup jakyrdyly ses çykaryp gülüşmek. *Biz işikden girenimizde, öýdäkiler jakyrdaşyp gülüşýärdiler*.

**JAKYRDATMAK**, *işl.* Jakyrdyly ses çykartmak.

**JALA**, *at.* Güýçli çabga.

◊ **Jala degen ýaly etmek** bir zarbada tamamlamak, gutarmak.

**JALAWA** [jalowo] **I**, *at.* Käriz suwunyň ýeriň ýüzüne çykýan ýeri.

**JALAWA** [jalowo] **II**, *at.* Suw degirmeninde perli topuň töweregindäki ýer.

**JALATAÝ**, *at, ser.* **Jalaý**. *Ýörseňiz-de gulak, dilsiz güň bolup, Şah-u gedaý, ýa jalataý şum bolup* (Magtymguly). *Saňa wagtyny nähili geçirjegini bilmän ýören jalataý diýerler* (A. Gowşudow).

**JALATAÝLYK**, *at, ser.* **Jalaýlyk**. *Ol ömrüni jalataýlyk edip geçiripdir.*

**JALATAÝRAK** [jalataýra:k], *syp., ser.* **Jalaýrak**. *Onuň kiçi ogly jalataýrakdyr.*

**JALAÝ**, *at.* Hemişe şadyýan, keýpihonlyk edýän, geldi-geçerlik edýän jalataý, gezegen.

**JALAÝBAG** [jalaýva:ğ], *at.* Hataby howuda berkidýän bag, ýüp.

**JALAÝLYK**, *at.* Jalaý bolmaklyk, jalaýyň gylyk-häsiýeti, jalataýlyk, gezegenlik. *Ol entegem jalaýlyk edip ýörmi?* (B. Seýtäkow).

**JALAÝRAK** [jalaýra:k], *syp.* Keýpihonlyk edegenräk, jalataýrak. *Jalaýrak gezmegi, ýaşamagy gowy görýän ýigitler bar.*

**JALBAR** [jalvar], *at.* Erkek adamyň guşaklygyndan topugyna çenli aralygy örtýän balagy. *Eje, meniň gowy köýnegim bilen jalbarymy ütükläweri* (A. Nazarow).

**JALBARLYK** [jalvarlyk], *syp.* Jalbar tikmek üçin (mata). *Jalbarlyk mata*.

**JALKYLDADYBERMEK** [jalkylladyvermek], *işl.* Batly ýykyp başlamak.

**JALKYLDAMA** [jalkyllama], *iş ady.* Jalkyldamak ýagdaýy.

**JALKYLDAMAK** [jalkyllamak], *işl.* Bütin göwräň bilen gaty ýykylmak. *Ol dik duran ýerinde özünden gidip, jalkyldap ýykyldy.*

**JALKYLDAMAKLYK** [jalkyllamaklyk], *iş ady.* Jalkyldamak ýagdaýy.

**JALKYLDAMAZLYK** [jalkyllamazlyk], *iş ady.* Jalkyldap ýykylmazlyk.

**JALKYLDATMAK** [jalkyllatmak], *işl.* Bütin göwresi bilen batly, gaty ýykmak. *Güýçli pälwan garşydaşyny jalkydadyp ýere urdy*.

**JAM** [ja:m], *at.* **1**. Metaldan ýasalan syrçaly ýa-da syrçasyz gap, tabak. **2**. *gepl. d.* Därä ot düşürmek üçin peşeňiň düýbüne oturdylýan jam şekillije enjam, mis. *Mergen peşeňlerini doldurmak üçin, olaryň jamyny çykaryşdyryp, täzesini oturtdy*.

**JAMBÖRÜK** [ja:mmö:rük], *at.* Etegi giňräk, depesi tegelek edilip, dürli nagyşlar bilen keşdelenip tikilýän tahýa. *Şempa ak telpegini gapdalynda goýup, jambörügini maňlaýyna geýdi* (B. Kerbabaýew).

**JAMBÖRÜKLIK** [ja:mmö:rüklük], *syp.* Jambörük tikmek üçin gerekli (keteni, ýüpek sapak we ş.m. ).

**JAMJAGAZ** [ja:mjağaz], *at.* Kiçijik jam.

**JAN** [ja:n], *at.* **1**. Adama, janly-jandarlara we ösümlikler dünýäsine dirilik berýän ruh. **2**. Adamyň içki ruhy dünýäsi, onuň aň-paýhasy, duýgy-düşünjesi. **3**. Söýgi, gadyr-gymmat bildirilip, adam ady bilen bile aýdylýan söz. *Özümiň öz öýümde ejem janyň ornuny tutýandygyma buýsanýaryn* ("Türkmenistan"). **4**. Maşgala agzalarynyň sany görkezilmeli bolanda "adam", "baş" sözleriniň deregine ulanylýan söz. *Seniň maşgalaňda heniz zähmete ýaramadyk çagalar bilen birlikde dokuz jan bar* (A. Gowşudow). **5**. Ýürekden syzdyrylyp aýdylýan söz. *Jan! Sesiňe döneýin, bagşy!*

◊ **Jana batmazlyk** göwne ýaramazlyk, göwnejaý bolmazlyk. *Asyl siziň at idedişiňiz jana batanok, şonuň bir çetinde özüm bolmasam boljak däl* (A. Gowşudow). **Jana dert bolmak** birine azar bolmak, ýük bolmak. **Jana gelmek 1)** täzeden janlanmak. **2)** janlanmak, herekete gelmek. *Töwerek jana gelen ýaly boldy.* **Jan agyrtmak** yhlasly, janypkeşlik bilen ýapyşmak, janyňy

aýamazlyk. **Jan ajygly** jany ýanyp duran, ahmyrly, ölüm howply, gazaply. *Ýaralanan jan ajygly gaplaň dek topuldy*. **Jan alyp, jan bermek** gazaply söweş alyp barmak, ölüm-ýitimli uruş etmek. **Jan aýamazlyk** yhlas bilen işlemek, aranyňy-ýadanyňy bilmän işlemek, jan gaýgyrman zähmet çekmek. *Bu gün ýaşlar jan aýaman işlediler.* **Jan başyna** adam başyna, her bir adama, her bir kişä. **Jan berene jaý ber** gyssama, öz ugruna, öz maýdalyna goýber. **Jan bermek 1)** janlandyrmak, dikeltmek, täzeden güýje getirmek, sana goşmak. **2)** janyňy gurban etmek. **Jan çekmek** biri ýa-da bir zat hakda köp alada etmek, bir ýumşy ýerine ýetirjek bolup dyrjaşmak, zähmet çekmek, bir maksady amala aşyrmaga çalyşmak. **Jandan doýmak** janyňdan bizar bolmak, öz-özüňden irmek, durmuşdan ýadamak, doýmak. *Ýesir bolup, munda gelip, Jandan doýan ýaly boldum* (Zelili). **Jan emgemezlik** janyňy gynamazlyk, yhlas bilen ýapyşmazlyk, äwmän işlemeklik. **Jan etmek** *ser.* **Jan çekmek**. *Ol jan edýärdi.* **Jan gerekmi, pyçak** ikiden birini et, haýsyny saýlasaň, öz işiň; gyssagarada şert goýmak. **Jan giren ýaly bolmak** täzeden güýç almak, janlanmak, ruhlanmak. *Daş-töwerege täzeden jan giren ýaly boldy*. **Jan girmek** jansyz zatlar janlanmak, direlmek; pyntyk ýaryp ösüp başlamak (janly-jandar, ösümlikler we ş.m. hakynda). *Adamlara-da täzeden jan giren ýaly boldy* (B. Seýtäkow). **Jan howluna** ölüm howply ýagdaýda, jany çykmazynyň öňüsyrasynda, öň ýanynda. *Ok degen gaplaň jan howluna tüpeň sesi çykan tarapa bökdi.* **Jan paralamak** örän yhlasly aýtmak, janygyp aýtmak. **Jan sany** maşgalanyň adam sany. **Jan suwy** pomidoryň we beýleki ekinleriň şitili oturdylanda olaryň janlanmagy, düýp tutmagy üçin berilýän suw. **Jany bar** dogry, hakykata laýyk, ugry bar. **Jany jana gatmak** biri-biriňe ýürekden wepaly bolmak. *Bir dost bilen jany-jana gataýyn* (Seýdi). **Jany jöwen ekmäge gitdi** öldi, ýogaldy, amanadyny tabşyrdy. **Jany karkara gelmek** ýaşaýşyň soňky pellesine ýetmek, janyň bokurdaga gelmek. **Janyna kast etmek** birini öldürmek ýa-da öldürjek bolup şikest ýetirmek. **Janyna ot salmak** howsala düşürmek, galagoply ýagdaýa salmak. **Janyna ýetişmek** ölümden halas etmek, öz wagtynda kömege ýetişmek, howpdan gutarmak. *Ol gyz atasynyň janyna ýetişdi, ýogsam ol ölüp giderdi* (Halk ertekisinden). **Janyny jähenneme ibermek (ugratmak)** öldürmek. **Janyňa degmek** güýçli täsir etmek, örän gaty degmek (özüňe ýaramaýan hereket ýa söz hakynda). **Janyň agyrmak** *ser.* **Janyň ýanmak**. *Ana, şoňa meniň janym agyrýar* (B. Kerbabaýew). **Janyňa kast etmek 1)** özüňi öldürmek. **2)** öler ýaly işlemek, ýadawlygy bilmän, köp işlemek, agyr iş edip, özüňi horlamak. **Janyňa noş bolsun!** iýeniň, içeniň janyňa ýarasyn. **Janyň ara girmek** *ser.* **Janyň aram tapmak**. **Janyň aram tapmak** ynjalyk tapmak, rahatlyk aralaşmak, ynjalmak. **Janyňdan geçmek** *ser.* **Janyňy gurban etmek**. *Gaýrat edip, şirin jandan geçeli, Gylyçdan gyrmyzy ganlar seçeli, Duşman bilen aramyzy açaly, Hemme şol ykrara gurulsyn imdi* (Seýdi). **Janyňdan syzdyrmak** ýürekden aýtmak, janygyp, ak ýürekden aýtmak. **Janyňy barlamak** özüňi barlap görmek. **Janyňy gurban etmek** Watanyň ýa-da bir gowy görýän adamyň ugrunda özüňi heläk etmek, bir zadyň ugrunda jan bermek, gurban bolmak, ölmek. **Janyň şypa tapmak** hezil etmek, sagalmak, daýawlanmak, gurplanmak. **Janyň ujy** hezil, rahat,gaty oňat. *Şular ýaly adamlar bilen işlemek janyň ujy*. **Janyňy ynanmak** birine ynam etmek, bütinleý ynanmak. **Janyň ýanmak (köýmek)** agyr degmek, erbet täsir etmek. **Jany (saly) suw üstünde** haly harap, gorkuly ýagdaýda. *Ol kömek etmekden-ä geçen, özüniň jany suw üstündedi.* **Jan ýakmak** gaty käýinmek, zeýrenmek.

**JANAGYRYLY** [ja:na:ğyrly], *syp., ser.* **Janyýangyn**. *Gaplaň janagyryly dyzamaga başlaýar* (Halk ertekisinden″).

**JANA-JAN** [ja:na-ja:n], *syp.* **1**. Wepaly, ýürekdeş, janköýer, eziz, gadyrly, gadyrdan. *Jana-jan dost.* **2**. Iň möhüm, iň zerur, wajyp. *Watany goramak biziň jana--jan borjumyzdyr.*

**JANA** [ja:na], *at.* Gaty gowy görlüp, söýgi bildirilip aýdylýan söz.

**JANALGYÇ** [ja:nalğyç], *at.* **1**. *gepl.d.* Dini düşünjä görä adamlaryň janyny alýan Ezraýyl. **2**. *göç. m.* Jebir, sütem beriji.

**JANAJYGLY** [ja:na:jyğly], *syp., ser.* **Janyýangyn**. *Janajygly sesi bilen gygyrdy.*

**JANAN** [ja:na:n], *at.* Dilber, dildar, söýgüli, mähriban, magşuk.

**JANAWAR** [ja:nawör], *at.* Haýwanlaryň, mal--garalaryň rehimlilik bilen tutulýan ady. *Çök, janawar!*

**JANAÝAMAZAK** [ja:naýamazak], *syp.* Özüni gaýgyrmaýan, aýawly saklamaýan. *Ol bir janaýamazak adamdyr*.

**JANDAR** [ja:nna:r], *at.* Janly, jany bar bolan, janly zat (haýwanlaryň, mör-möjekleriň umumy ady). *Bir ýerde bir jandaryň çyňsaýan sesi çykdy* (A. Gowşudow).

**JANDERDI** [ja:nnerdi]**: janderdi bolmak** janyňa azar bolmak. *Men ony ýanym bilen alyp gitdim welin, ol maňa janderdi boldy*.

**JAN-DIL** [ja:n-nil]**: jan-dil bilen** tüýs ýürekden, janygyp, mähirli. *Jeren jan-dil bilen ýapyşdy işe, Tizleşdirmek üçin ýeňiş möhletin* (A. Kekilow).

**JANEÝ-JAN** [ja:neý-ja:n], *ser.***Janelek**.

**JANELEK** [ja:nelek], *üml.* Has şatlanyp, begenip aýdylýan söz.

**JANHOWUL** [ja:nhowul], *at.* Ölümiň öň ýanyndaky ýagdaý, pursat. *Janawar janhowluna urunýardy.*

◊ **Janhowul ýaly** örän gyssanmaç, howlukmaç. *Baryň, eglenmäň! – diýip, janhowul ýaly bolup gygyrdy* ("Görogly").

**JAN-JIGER** [ja:n-jiğer], *at.* Çyn ýürekden, ýürek bilen, jan-dil bilen. *Ol dyzyna çökdi-de: "Şeýt, agam jan, şeýt!" – diýip, jan-jigerinden syzdyryp ýalbardy* (G. Kulyýew).

◊ **Jan-jigeriň eremek** örän gynanmak, nebsiň agyrmak. *Eredi janym-jigerim, görgül, tende ýara ýok* (Magtymguly).

**JANKÖÝER** [ja:nköýör], *syp.* **1**. Bir iş, waka, adam üçin alada ediji, janyny ýakyjy, gamhor. *Senden ýakyn janköýer gardaşy ýok eken* ("Görogly"). *Şol döwürlerde Yzgant obasynda edebiýat bilen gyzyklanýanlar, onuň janköýerleri az bolmandyr* (Jürdekow T. "Ata arzuwyny amala aşyrýan Agtyk", 29-30 s.). **2**. Tarapyny çalýan komandasynyň üstünligi üçin begenýän, ýeňleni üçin gynanýan adam.

**JANLANDYRMAK** [ja:nlannyrmak], *işl.* Jana getirmek, direltmek. *Soňky ýagan ýagyş otlary birneme janlandyrdy*. **2**. *göç.m.* Herekete getirmek, täzeden güýje girizmek, başarjaňlygyny artdyrmak, ruhlandyrmak, güýçlendirmek.

**JANLANDYRYBERMEK** [ja:nlannyryvermek], *işl.***1**. Jana getirip, direldip başlamak. **2**. *göç.m.* Herekete, güýje girizip başlabermek.

**JANLANMA** [ja:nlanma], *iş ady.* Janlanmak ýagdaýy.

**JANLANMAK** [ja:nlanmak], *işl.* **1**. Jan girip, ýaşap başlamak, ösüp başlamak. *Otlar salkyn düşmegi bilen gaýtadan janlanyp başlady.* **2**. *göç.m.* Herekete gelmek, güýje girmek, başarjaňlygy artmak, ruhlanmak, güýçlenmek.

**JANLANMAKLYK** [ja:nlanmaklyk], *iş ady.* Janlanmak ýagdaýy.

**JANLANMAZLYK** [ja:nlanmazlyk], *iş ady.* Direlmezlik, täzeden jana gelmezlik.

**JANLANYBERMEK** [ja:nlanyvermek], *işl.* Janlanyp başlamak.

**JANLY** [ja:nly], *syp.* **1**. Jany bar, diri, ýaşaýyş ukyby bar bolan. **2**. Göni alyp görkeziş. **3**. *gepl.d.* Ownuk mal, dowar. **4**. *göç.m.* Gyzgalaňly, hyjuwly, möwç alýan.

◊ **Janly burç** mekdeplerde, çagalar bagynda towşandyr kirpi, guş saklanýan jaý. **Janly muzeý** *gepl.d.* köpçülige görkezmek üçin eldeki we ýabany haýwanlaryň, guşlaryň saklanýan ýeri. **Ýan janly** ser. **Ýan**. *Ýan janly etmek.*

**JANLY-JANDAR** [ja:nly-ja:nnar], *at.* Janly zatlaryň umumy atlandyrylyşy. *Öýde orta ýaşa ýakynlaşan bir aýaldan başga janly-jandar ýokdy* (A. Gowşudow*). Töwerekde janly-jandar görnenok.*

**JANLY-JEMENDE** [ja:nly-jemenne], *at.* Adam, ynsan. *Obada bir garry kempir bilen gojadan başga hiç janly-jemende galmandyr* (Halk ertekisinden).

**JANLYLYK** [ja:nlylyk], *syp.* **1**. Jany barlyk, dirilik, ýaşaýşa ukyplylyk. **2**. *göç.m.* Gyzgalaňlylyk, hyjuwlylyk, dogumlylyk. *Onuň gözleri geçen ýyldaky ýaly umytsyz garaman, janlylyk, tiz pähimlilik bilen ýalpyldaýardy* (B. Kerbabaýew).

**JANLYRAK** [ja:nlyra:k]**: Janlyrak bolmak** dogumlyrak bolmak. **Janlyrak gymyldamak** dogumlyrak, hyjuwlyrak hereket etmek.

**JANPENA** [ja:npena:], *at.* **1**. Goragçy, gorap saklaýan, goraýjy. **2**. Gaçybatalga. – *Ýigitler, bu gün her kim öz öýünde ýa-da janpenalarda bolsun* (A. Gowşudow).

**JANSEREK** [ja:nserek], *hal.* **1**. Näme etjegini bilmän aljyrap, belli bir netijä gelip bilmän ýören, aljyraňňy. *Ol iki arada janserek bolup garaşdy.* **2**. *göç.m.* Aladaçyl. *Ýaýnaň saýasynda ata Watanyň, Iýdir, geýdir, siz diýip janserekdir* (B. Hudaýnazarow).

**JANSEREKLIK** [ja:nsereklik], *at.* Janserek halda bolmaklyk.

**JANSYZ** [ja:nsyz] **I**, *syp.* **1**. Jany bolmadyk, diri däl, öli. **2**. Öçügsi, şöhlesiz, nury gaçan. *Jansyz gözleri kule taşlanan mäz ýaly sämäp göründi* (B. Kerbabaýew). **3**. *göç.m.* Çalasyn däl, hyjuwsyz, dogumlylygy gowşak. **4**. *gepl.d.* Iýilýän inçeräk ýaprakly, ak gülli ot.

**JANSYZ** [ja:nsyz] **II**, *syp.* Içaly. *Watançylyk urşy günlerinde kakasynyň bir gezek serhet sakçylaryna"jansyz" tutup berşini ýadyna saldy* (B. Kerbabaýew).

**JANSYZLANMA** [ja:nsyzlanma], *iş ady.* Jansyzlanmak ýagdaýy.

**JANSYZLANMAK** [ja:nsyzlanmak], *işl.* Dirilik alamatyny ýitirmek, hereketsiz gatap galmak.

**JANSYZLYK** [ja:nsyzlyk] **I**, *at.* **1**. Jany ýokluk, diri dällik, ölülik. **2**. *göç.m.* Gyzgalaňly dällik, hyjuwsyzlyk, gowşaklyk, dogumly dällik.

**JANSYZLYK** [ja:nsyzlyk] **II,** *at*. Jansyzyň ýagdaýy, içalylyk.

**JANT: jantyny ýakmak** başarman näme, hek etmek, daş etmek. *Näme işiň bolsa, sen aýdyber, jantyny ýakaryn.*

**JANTAÝ**, *at, gepl.d.* Jübi; gapjyk.

◊ **Jantaýyna urmak** özi almak, jübüsine urmak. *Ol pullaryň hemmesini jantaýyna urdy.*

**JAN-TEN** [ja:n-ten], *at.* Jany-teni bilen, ähli yhlasy, güýji, wyždany bilen. *Işe jany-teni bilen berlen adam*.

**JANYGYBERMEK** [ja:nyğyvermek], *işl.* Çyndan, tüýs ýürekden jan edip başlamak, janygyp başlamak.

**JANYKMA** [ja:nykma], *iş ady.* Janykmak ýagdaýy.

**JANYKMAK** [ja:nykmak], *işl.* Ýürekden jan çekmek;başlamak janyňdan syzdyrmak.

**JANYKMAKLYK** [ja:nykmaklyk], *iş ady.* Janykmak ýagdaýy.

**JANYKMAZLYK** [ja:nykmazlyk], *iş ady.* Ýürekden jan etmezlik.

**JANYPKEŞ** [ja:ny:pkeş], *syp.* **1**. Iş-güýje jany-teni bilen ýapyşýan, yhlasly, zähmetsöýer. *Täze* sürüji *janypkeş görünýär.* **2**. Wepadar, ýürekdeş, berlen. *Janypkeş dost.*

**JANYPKEŞLIK** [ja:ny:pkeşlik], *at.* **1**. Iş-güýje janyň-teniň bilen ýapyşmaklyk, yhlaslylyk. *Janypkeşlik bilen ýapyşylan işiň bitmän galjak gümany ýok.* **2**. Wepadarlyk, ýürekdeşlik, berlenlik. *Özüniň janypkeşligini oňa subut etjek bolup çalyşýardy* (G. Kulyýew).

**JANYÝANGYN** [ja:nyýanğyn], *syp.* Birinden ýa-da bir zatdan göwni galyp, närazylyk bildirýän, närazy, ýangynly, janajygly. *Janyýangyn adam özüňe belli, ol örän gaharly gepleýärdi.*

**JANYÝANGYNLYK** [ja:nyýanğynlyk], *at.* Janyýangyn halda bolmaklyk, birinden ýa-da bir zatdan göwni galyp, içi ýanyp durmaklyk. *Ýerliksiz soraga janyýangynlyk bilen ýylgyrdy.*

**JANYÝANGYNLYLYK** [ja:nyýanğynlylyk], *at, ser.* **Janyýangynlyk**. *Ol göýä biri bilen dawalaşýan ýaly, bu sözleri gaty seslenip, janyýangynlylyk bilen aýtdy* (B. Seýtäkow).

**JAŇ**, *at.* **1**. Misden ýa-da mis gataryndyly metal erginden ýasalyp, jyňňyrdar ýaly içinden dil asylyp goýlan çowlurak enjam. *Elmydama onuň boýnunda ýiti seslije jaň bardy* (B. Gurbanow). *Sapaga girmek üçin jaň kakyldy.* **2**. Metaldan ýasalan jaňjagaz ýa-da ses signaly üçin enjam. **3**. Jaňjagazdan ýa-da enjamdan çykýan ses, jaňňyrdy, jyňňyrdy. *Sapaga jaň boldy*. **4**. *Jaň* sözüniň soňundan *etmek* kömekçi işligi gelip, gymyldy-hereket aňladýan düzümli işlik ýasalýar: **Jaň etmek** (**urmak**) birine telefon etmek. *Sen maňa jaň uran ekeniň, Annatuwak, näme menlik iş barmydy?* (B. Kerbabaýew).

**JAŇÇY**, *at.* Jaň kakýan adam. *Sapaga girmeli wagt bolanda, nobatçy jaňy aldygyna jaňňyrdadýardy.*

**JAŇJAGAZ** [jaňjağaz], *at.* Kiçijik jaň. *Owlagyň boýnuna jaňjagaz dakypdyrlar*.

**JAŇLY**, *syp.* Eline jaň alan, boýnuna jaň dakylan. *Bugralary goşa örküçli, Maýalary jaňly gelin* (K. Gurbannepesow). *Eli jaňly adam*.

**JAŇŇYRDABERMEK** [jaňňyrda:vermek], *işl.* Jaňňyrdap başlamak.

**JAŇŇYRDAMA**, *iş ady.* Jaňňyrdamak ýagdaýy.

**JAŇŇYRDAMAK**, *işl.* Jaň jaňňyrdyly seslenmek, jaňňyr-jaňňyr etmek. *Jaňyň tanyş owazy jaňňyrdap, bizi sapaga girmäge çagyrdy*.

**JAŇŇYRDAMAKLYK**, *iş ady.* Jaňňyrdamak ýagdaýy.

**JAŇŇYRDAMAZLYK**, *iş ady* Jaňňyrdyly ses çykmazlyk.

**JAŇŇYRDATMAK**, *işl.* Jaň kakmak, jaňňyrdyly ses çykarmak, jaňňyr-jaňňyr etdirmek. *Ol ýene-de birnäçe wagt bu pikirlerini dowam etdirip oturandan soň, jaňjagazyny jaňňyrdatdy* (B. Seýtäkow).

**JAŇŇYRDAŞMAK**, *işl.* Köp jaňdan jaňňyrdyly ses çykmak. *Ýük üstünde jaň goýsaň, Jaňňyrdaşar, ýar-ýar* (Halk döredijiliginden).

**JAŇŇYRDY**, *at.* Jaň, düwme we ş.m. zatlaryň sesi.

**JAŇŇYR-JAŇŇYR**, *s. ş. aňl. söz.* Jaň herekete getirilende yzly-yzyna çykýan sesler.

**JAR I**, *at.* Sil suwunyň akýan ugry. *Ine, olar meýdanda güýzlük ak ekine suw tutup ýörenleriň bir gapdalyndaky çuň jar bilen geçip gidipdir* (A. Gowşudow).

**JAR II**, *at.* Bir waka barada jarçy tarapyndan yglan edilýän sesli habar.

◊ **Jar bolmak** hemmelere mälim bolmak, ähli ýere ýaýramak. **Jar çekmek** bir habary halka sesli mälim etmek, sesli yglan etmek. *Öň baranyň bir semiz toklusy bilen bir tümen puly bar diýip, jar çekdirdi* (B. Kerbabaýew). **Jar etmek** bir habary, gürrüňi uly ile ýaýratmak, äşgär etmek.

**JAR** [ja:r], *at.* Döwülmän galan baş gatyşykly däne. *Ekin ekdim, harman aldym, Jary baryn bilmedim* (Halk döredijiliginden). *Hany arpa, hany bugdaý, Ýetermikä saňa jary* (Ç. Aşyrow).

**JARAN**, *at.* Şaha-şaha bolup aýrylýan jarlar. *Oraçadyr olaň öýi, Bir jaranyň boýundady* (K Gurbannepesow).

**JARANLYK**, *at.* Şaha-şaha bolup aýrylýan kiçiräk jarlaryň köp ýeri.

**JARÇY**, *at.* Bir ähmiýetli habary halk köpçüligine gaty sesli gygyryp habar berýän adam. *Obalykda jarçynyň sesi ýaňlandy* (A. Gowşudow).

**JARÇYLYK**, *at.* Jarçynyň käri, wezipesi. *Bu sesiň bilen, seniň jarçylyk etmegiň gerek* (B. Pürliýew).

**JARKA**, *hal.* Bir bada, bat bilen, batly, birden (gapy hakynda). *Jarka açyldy gapy, Italmaz öýe girdi* (A. Alamyşow).

**JARKYLDABERMEK** [jarkylla:vermek], *işl.* Jarkyldyly ses çykyp ugramak.

**JARKYLDAMA** [jarkyllama], *iş ady.* Jarkyldamak işi.

**JARKYLDAMAK** [jarkyllamak], *işl.* Jarkyldyly ses çykmak, jark-jark edip seslenmek. *Gapy jarkyldap ýapyldy.*

**JARKYLDAMAKLYK** [jarkyllamaklyk], *iş ady.* Jarkyldamak ýagdaýy.

**JARKYLDAMAZLYK** [jarkyllamazlyk], *iş ady.* Jarkyldyly ses çykmazlyk.

**JARKYLDATMAK** [jarkyllatmak], *işl.* Jarkyldyly ses çykarmak, jark-jark edip seslendirmek. *Gapyny jarkyldadyp ýapdy-da çykyp gitdi* ("Edebiýat we sungat").

**JARKYLDY** [jarkylly], *s. ş. aňl. söz.* Gapynyň we ş.m. zatlaryň batly açylyp-ýapylmagyndan emele gelýän sesiň ady. *Gapynyň jarkyldysy has gaty çykdy we jaýy sarsdyryp gitdi.*

**JARLYK**, *syp.* Jaryň köp ýeri.

**JARNAMA** [jarna:ma], *at.* Çagyryş bilen kimdir birine ýüzlenme. *Birleşen Milletler guramasynyň jarnamasy.*

**JAS**, *s. ş. aňl. söz.* Içýan, ary ýaly mör-möjek çakanda çykýan eşidiler-eşidilmez ses. *Jas etmek*.

**JASLADYBERMEK** [jasyladyvermek], *işl.* Jasladyp başlamak.

**JASLATMA** [jasylatma], *iş ady.* Jaslatmak hereketi.

**JASLATMAK** [jasylatmak], *işl.* **1**. Awuly iňňesini sokmak, çakmak (içýan, ary hakynda). *Arynyň jasladyp çakanyny duýman galdym*. **2**. Sesli atmak, atyp goýbermek. *Elindäki jysmygy jasladyp göçürenini özi hem duýmady.*

**JASLATMAKLYK** [jasylatmaklyk], *iş ady.* Jaslatmak ýagdaýy.

**JASSYLDY** [jassylly], *at.* Jysmyk atylanda ýa-da içýan, ary ýaly mör-möjek çakanda çykýan ses.

**JASSYLDYSYZ** [jassyllysyz], *syp.* Jassyldy sesi bolmadyk.

**JATYRDABERMEK** [jatyrda:vermek], *işl.* Jatyrdap başlamak.

**JATYRDAMA***iş ady.* Jatyrdamak ýagdaýy.

**JATYRDAMAK**, *işl.* Agram düşmegi, zor salynmagy sebäpli jatyrdyly ses çykmak, şatyrdamak. *Teläriň üstüne atylan agaçlar jatyrdap döwüldi.*

**JATYRDAMAZLYK**, *iş ady.* Jatyrdyly ses çykmazlyk.

**JATYRDAŞMAK**, *işl.* Birnäçe agaç, pürs jatyrdamak, şatyrdaşmak. *Kepbäniň üstüne çykylanda, agaçlar jatyrdaşyp başlady*.

**JATYRDATMAK**, *işl.* Jatyrdyly seslendirmek, jatyr-jatyr ses çykarmak, şatyrdatmak. *Agaçlary jatyrdadyp döwmek.*

**JATYRDY**, *at.* Agaç ýa-da agaç enjamlaryna zor salnanda çykýan ses, şatyrdy. *Agaç köpriniň üstünden agyr maşynlar geçende, olaryň jatyrdysy eşidilýärdi*.

**JAÝ** [ja:ý], *at.* **1**. Adamlaryň ýaşamagy, işlemegi we ş.m. üçin gurulýan bina, ymarat,tam. **2**. Otag. *Merdan aga uly oglunyň bolýan jaýynyň gapysyny ýuwaşja açyp görkezdi*. **3**. Oduk-buduk goýmak ýa-da mal saklamak üçin gurulýan desga. *Mallar üçin täze gurlan gowy jaýlarymyz bar.* **4**. Orun, ýer.

◊ **Jaý etmek** *kön.s.* ýerine ýetirmek. *Namaz bile bäş işiňni jaý etgin, Toprak bile öz köňlüňni taý etgin* (Magtymguly).

**JAÝDAR** [ja:ýda:r], *syp., hal.* Ylaýyk ýerinden, edil üstünden, göni özüne; öz ýerinde. *Jaýdar degen ok. Jaýdar aýdylan söz.*

**JAÝJAGAZ** [ja:ýjağaz], *at. Kiçijik jaýjagaz*.

**JAÝLABERMEK** [ja:ýla:vermek], *işl.* Aradan çykany haýdan-haý depin etmäge başlamak, jaýlap başlamak.

**JAÝLAMA** [ja:ýlama], *iş ady.* Jaýlamak ýagdaýy.

**JAÝLAMAK** [ja:ýlamak], *işl.* Aradan çykan adamyny ýere depin etmek.

◊ **Jaýlap goýmak** her bir zady ýerbe-ýer, tygşytly, rejeli, mazaly ýerleşdirip goýmak.

**JAÝLAMAKLYK** [ja:ýlamaklyk], *iş ady.* Jaýlamak ýagdaýy.

**JAÝLANMAK** [ja:ýlanmak], *işl.* Depin edilmek. *Magtymgulynyň jaýlanan ýerini gidip gördük.*

**JAÝLAŞDYRMAK** [ja:ýlaşdyrmak], *işl.* Ýerbe-ýer, tertipli, rejeli goýuşdyrmak, ýerli-ýerine salyşdyrmak; ýerleşdirmek. *Atlaryny jaýlaşdyryp ornaşanlaryndan soň, şol bilgijiň niredeligini sorap tapdylar* (Halk ertekisinden).

**JAÝLAŞMAK** [ja:ýlaşmak], *işl.* **1**. Depin etmäge, jaýlamaga kömekleşmek. *Ýaşulular aradan çykany jaýlaşmaga gitdiler*. **2**. Ýer, orun almak, jaýly oturmak, jaýlaşykly oturmak, ýerleşmek. *Ýazlamaga ýer araýan ýazlagçylar süýji suwly guýynyň başynda jaýlaşdylar.*

**JAÝLAŞYKLY** [ja:ýlaşykly], *hal.* Ynjalykly, ykjam, jaýly, ornaşykly. *Jaýlaşykly oturyp, uzak ýyllaryň ýatlamalarynyň kelebini çöşläp başlaýar* ("Edebiýat we sungat").

**JAÝLATMAK** [ja:ýlatmak], *işl.* Jaýlamak işini başga birine tabşyrmak, depin etdirmek.

**JAÝLAÝYŞ** [ja:ýlaýyş], *iş ady.* Jaýlamak ýagdaýy.

**JAÝLY** [ja:ýly], *syp.* **1**. Ýaşara jaýy bar, jaý bilen üpjün. *Gowy-gowy jaýly hojalyklar gün-günden köpelýär.* **2**. Ýerlikli, maksada laýyk, dogry. *Ýellini derňemek jaýly bolardy* (A. Gowşudow). **3**. Ornaşykly. *Onuň oturyşy has arkaýyn we jaýlydy*.

**JAÝLYRAK** [ja:ýlyra:k], *syp.* Arkaýynrak, ornaşyklyrak. *Sen jaýlyrak otur.*

**JAÝRYBERMEK** [ja:ýryvermek], *işl.* Jaýryp başlamak, bir ýanyndan jaýryp ugramak.

**JAÝRYGRAK** [jaýryğra:k], *syp.* Birneme çat açan, birazrak jaýrylan.

**JAÝRYK**, *syp.* Çat açmak sebäpli emele gelen ýaryk. *Jaýryk agaç.*

**JAÝRYK-JAÝRYK**, *syp.* Birnäçe ýerinden çat açan, tutuş ýaryk-ýaryk bolan. *Jaýryk-jaýryk takyrlar.*

**JAÝRYKLYK**, *at.* Ýaryklyk, jaýryk, çat açan ýagdaýynda bolmaklyk. *Tagtalaryň jaýryklygynyň zyýany ýok, bir zada peýdalansa bolar.*

**JAÝRYLAŇKYRLAMAK**, *işl.* Çat açmaga, jaýrylmaga golaýlamak.

**JAÝRYLMA**, *iş ady.* Jaýrylmak ýagdaýy.

**JAÝRYLMAK**, *işl.* Çat açmak, jaýryk atmak.

**JAÝRYLMAKLYK**, *iş ady.* Jaýrylmak ýagdaýy.

**JAÝRYLMAZLYK**, *iş ady.* Çat açmazlyk, ýaryk bolmazlyk.

**JAÝRYLYBERMEK** [jaýrylyvermek], *işl.* Jaýrylyp başlamak.

**JAÝRYŞDYRMAK**, *işl.* Jaýryp çykmak, birnäçe jaýryk emele getirmek; jaýryk-jaýryk etmek; ýaryşdyrmak.

**JAÝRYŞMAK**, *işl.* **1**. Jaýyrmaga kömek etmek. *Seniň maňa şu agajy jaýryşmaga wagtyň bolarmy?* **2**. Bilelikde jaýyrmak. *Adamlar äpet pürsleri jaýryşyp durdular.*

**JAÝSYZ** [ja:ýsyz], *syp.* **1**. Ýaşamaga jaýy ýok, jaýy bolmadyk. *Jaýsyz adam ýok.* **2**. Ýerliksiz, gelşiksiz. **3**. *göç.m.* Bijaý.

**JAÝTARMA**, *iş ady.* Jaýtarmak ýagdaýy.

**JAÝTARMAK**, *işl.* **1**. Towlanyp durmak, gaňtarylyp durmak, dikgerip durmak. *Murty jaýtaryp duran garaýagyz ýigit peýda boldy*. **2**. Haýbatly gaýşarmak, dikgermek, dogumlysyramak. *Seniň jaýtaryp ýörüşiňe men näme il öňünde utanýan däldirin öýdýärmiň?* (B. Pürliýew).

**JAÝTARMAKLYK**, *iş ady.* Jaýtarmak ýagdaýy.

**JAÝTARMAZLYK**, *iş ady.* Jaýtaryp durmazlyk.

**JAÝTARTMAK**, *işl.* Towlap gaýtaryp goýmak, gaňtaryp goýmak; dikgertmek, dim-dik etmek. *Guýrugyny jaýtardyp, ýüzin salyp ötägitdi* ("Görogly"). *Içýan guýrugyny jaýtardyp durdy.*

**JAÝTARYLMAK**, *işl.* Dikgerilmek, gaýşarylmak. *Baý, onuň jaýtarylyp gaçaýşyny!* (B. Kerbabaýew).

**JAÝTARYŞMAK**, *işl.* Towlanyşyp galşyp durmak, gaňtarylyşyp durmak, dikgerişip durmak.

**JAÝTY**, *syp.* Jaýtarylyp duran, towlanyp galyp duran, jaýtarýan, dim-dik bolup duran. *Onuň inçejik jaýty murty bardy*.

**JAÝTYJA**, *syp.* Dim-dik bolup jaýtaryp duranja.

**JAÝTYRAK** [jaýtyra:k], *syp.* Jaýtarybrak duran.

**JAÝTYLDAMA** [jaýtyllama], *iş ady.* Jaýtyldamak hereketi.

**JAÝTYLDAMAK** [jaýtyllamak], *işl., ser.* **Jaýtarmak 2**. *– Aý, heleý, ärim ýanymda diýip, jaýtyldan bolma* (N. Pomma).

**JAÝTYLDAŞMAK** [jaýtyllaşmak], *işl.* Dikgerişmek, dogumsyraşmak. *Gyzjagazlar jaýtyldaşyp okuwa barýardylar.*

**JAÝTYLYK**, *at.* Jaýtaryp duran ýagdaýda bolmaklyk. *Murtunyň jaýtylygyna seretme, elinden zat gelmez.*

**JAÝYRDABERMEK** [jaýyrda:vermek], *işl.* Jaýyrdap başlamak.

**JAÝYRDAMA**, *iş ady.* Jaýyrdamak ýagdaýy.

**JAÝYRDAMAK**, *işl.* Jaýyrdyly ses çykmak, jaýyrt-jaýyrt etmek (köwüşden çykýan ses hakynda). *Onuň aýagyndaky köwüş jaýyrdaýardy*.

**JAÝYRDAMAKLYK**, *iş ady.* Jaýyrdamak ýagdaýy.

**JAÝYRDAMAZLYK**, *iş ady.* Jaýyrdyly ses çykarmazlyk.

**JAÝYRDATMAK**, *işl.* Jaýyrdyly ses çykartmak, jaýyrt-jaýyrt etdirmek. *Ol köwşüni jaýyrdadyp, iki ýana gezim edýärdi.*

**JAÝYRDAWUK** [jaýyrdowuk], *syp.* Jaýyrt-jaýyrt edip ses çykarýan. *Ol köwşüniň jaýyrdawuk sesine guwanýardy* ("Edebiýat we sungat").

**JAÝYRDY**, *at.* Jaýyrdap, jaýyrt-jaýyrt edip çykýan ses. *Eýläk geçdi, beýläk geçdi, köwşüniň jaýyrdysy ýürege düşdi.*

**JAÝYRMA**, *iş ady.* Jaýyrmak ýagdaýy.

**JAÝYRMAK**, *işl.* Jaýryk, ýaryk emele getirmek; ýarmak, iki bölmek. *Zarp bilen urlan palta agajy iki jaýyrdy*.

**JAÝYRMAKLYK**, *iş ady.* Jaýyrmak ýagdaýy.

**JAÝYRMAZLYK**, *iş ady.* Jaýyrmak işini ýerine ýetirmezlik.

**JAÝYRT-JAÝYRT: jaýyrt-jaýyrt etmek** *ser.* **Jaýyrdamak**.

**JAZ**, **1**. *s. ş. aňl. söz.* Çig et gaty gyzgyn ýaga düşende çykýan ses. **2**. *at.* Ýanan ýaga sogan, pomidor we ş.m. gowrulyp taýýarlanýan nahar goşandy. *Unaş üçin jaz taýynla.*

◊ **Jazyna ot basylan ýaly bolmak** gaty aljyraňňy ýagdaýa düşmek; gaty gahary gelmek. **Jazy ýetmek** eýi ýetmek; işini görmek. *Şol içen zährimary hem jazyny ýetiren bolara çemeli.* **Jazy ýanmak** howsalaly, aljyraňňy ýagdaýa düşmek. *Ol habary eşideli bäri onuň jazy ýanana döndi.*

**JAZ** [ja:z], *at*, *sazç*. **1**. Professional saz sungatynyň bir görnüşi. *Jaz sazy XIX-XX asyrlaryň sepgidinde Ýewropa we Afrika saz medeniýetiniň esasynda Amerikada negrleriň arasynda döräpdir.* **2**. Kakylyp we üflenip çalynýan dürli saz gurallaryny çalýan sazandalar toparyndan düzülen orkestr.

**JAZLAMA**, *iş ady.* Jazlamak ýagdaýy.

**JAZLAMAK** [jazylamak], *işl.* **1.** Jazzyldyly ses çykmak. *Ýanan ýaga atylan etden jazlap ses çykdy.* **2.** Nahara jaz goşmak, nahary jazly bişirmek. *Selmäni jazlar ýaly azajyk ýag alyp geliň.*

**JAZLAMAZLYK** [jazylamazlyk], *iş ady.* **1**. Jazlap ses çykmazlyk. **2.** Nahary jazlaman bişirmek.

**JAZLANMAK**, *işl.* Gowrulmak, ýaga bişirilmek. *Gazandaky ýaga jazlanýan etleri demine dartaýasy gelýärdi* (B. Kerbabaýew).

**JAZLAŞMAK** [jazylaşmak], *işl.* **1.** Köp ýerden jazlap ses çykmak. *Gazandaky etler jazlaşyp dur.* **2.** Jazlamaga, jazlap bişirmäge kömek etmek.

**JAZLATMAK**, *işl.* Jazlap taýýarlatmak, jazly nahar bişirtmek. *Men şu gün jazladyp, belke bişirtjek.*

**JAZLY**, *syp.* Jaz goşulan, jazlanyp bişirilen. *Jazly belke. Ojakda-da jazly unaş bişip dur.*

**JAZLYJA**, *syp.* Jaz goşulanja, jazlanyp bişirilenje. *Şu gün bir jazlyja unaş içäýsek, kem bolmazdy.*

**JAZLYK**, *syp.* Jaz etmek üçin gerekli, jaz eder ýaly (ýag we ş.m. hakynda). *Jazlyk ýag.*

**JAZSYZ** [jassyz], *syp.* Jazlanmadyk, jaz goşulyp bişirilmedik. *Uruş ýyllary jazsyz gaýnadylyp bişirilen oty köp iýipdik.*

**JAZYRDAMAK**, *işl., ser.* **Jazzyldamak**. *Ýyldyrym ýaly ýylpyldap, näzik tene jazyrdap degdi* (B. Kerbabaýew).

**JAZYRDY**, *at, ser.* **Jazzyldy**. *Çişe düzülen etleriň jazyrdysy, ýakymly ysy jana hoş ýakýar.*

**JAZZYLDAMA** [jazzyllama], *iş ady.* Jazzyldamak ýagdaýy.

**JAZZYLDAMAK** [jazzyllamak], *işl.* Jazzyldyly ses çykmak, jazzyldyly seslenmek, jazyrdamak. *Gazandaky jazzyldap duran et.*

**JAZZYLDAMAKLYK** [jazzyllamaklyk], *iş ady.* Jazzyldamak ýagdaýy.

**JAZZYLDAMAZLYK** [jazzyllamazlyk], *iş ady.* Jazzyldyly ses çykmazlyk.

**JAZZYLDAŞMAK** [jazzyllaşmak], *işl.* Ýerli-ýerden jazzyldamak, bilelikde jazzyldamak.

**JAZZYLDATMAK** [jazzyllatmak], *işl.* **1**. Jazzyldyly ses döretmek, jazzyldyly seslendirmek, jazyrdatmak. *Jazzyldadyp et gowurmak.* **2**. *göç.m.* Awuly çakmak, jazlatmak (ary, içýan hakynda).

**JAZZYLDY** [jazzylly], *at.* Et gowrulyp başlananda, ary, içýan we ş.m. zatlar çakanda döreýän ses, jazyrdy.

**JE**, Türkmen elipbiýiniň ″J″ harpynyň ady.

**JEBEGE** [jeveğe], *at*: **jebegäň (kejebäň) daralmak (gysmak, garyşmak)** gaharyň gelmek, darykmak, howsalaly ýagdaýda bolmak. **JEBIR** [jevir], *at.* Çekilýän azap, jepa, görülýän sütem, zulum, horluk.

◊ **Jebir etmek** azap bermek, horlamak. *Munda jebir etgen kişi, ol gün bolmaz rusyýa* (Magtymguly). **Janyňa jebir etmek** özüňe zor salmak. *Jebir etdi Jemşit janyna* (Magtymguly).

**JEBIR-JEPA** [jevir-jepa:], *at, ser.* **Jebir**.

**JEBIRLI** [jevirli], *syp.* Jebir-jepasy köp, azaply; sütemli, zulumly.

**JEBIRLILIK** [jevirlilik], *at.* Jebir-jepasy köplük, azaplylyk; sütemlilik, zulumlylyk.

**JEBIRLIRÄK** [jevirlirä:k], *syp.* Birneme jebirli.

**JEBIR-SÜTEM** [jevir-sütöm], *at, ser.* **Jebir-jepa**. *Şol döwürde köp adam jebir-süteme sezewar edilipdir.*

**JEBIRSIZ** [jevirsiz], *syp.* Azap, horluk çekdirmeýän, sütemsiz, zulumy bolmadyk.

**JEBIS** [jevis], *syp.* **1**. Berk, pugta, ykjam. *Turup köwşüni geýip, daşaryk çykdy, dolanyp gapyny jebis ýapdy* (A. Durdyýew*)*. **2**. Laýyk, bap, barabar, dogry. **3**. Gabatma-gabat,pete-pet, rast. *Garşysynda jebis gelen at bilen alaşanyň kişňemegi ony özüne getirdi* (B. Kerbabaýew).

**JEBISLEME** [jevisleme], *iş ady.* Jebislemek ýagdaýy.

**JEBISLEMEK** [jevislemek], *işl.* **1**. Biri-birine jebis, laýyk, dogry getirip berkitmek. *Işigi jebisläp ýapmak.* **2**. *göç.m.* Agzybirlik, ysnyşyklylyk gazanmak, agzybirligi berkitmek.

**JEBISLEMEKLIK** [jevislemeklik], *iş ady.* Jebislemek ýagdaýy.

**JEBISLEMEZLIK** [jevislemezlik], *iş ady.* Jebis getirmezlik.

**JEBISLENMEK** [jevislenmek], *işl.* Kem-kemden jebis hala gelmek.

**JEBISLEŞDIRIJI** [jevisleşdiriji], *at.* Agzybirlik, jebislik dörediji.

**JEBISLEŞDIRMEK** [jevisleşdirmek], *işl.* Jebis getirişdirmek, jebisläp berkidişdirmek. *Tamyň üstüne goýulýan tagtalaryň arasynda yş goýman, pugta jebisleşdirdi.***2**. *göç.m.*Jebisligi güýçlendirmek.

**JEBISLEŞIK** [jevisleşik], *at, ser.* **Jebislik 2**.

**JEBISLEŞMEK** [jevisleşmek], *işl.* Ýuwaş-ýuwaşdan agzybir ýagdaýa gelmek, agzybir bolmak.

**JEBISLEÝIŞ** [jevisleýiş], *iş ady.* Jebislemek täri.

**JEBISLÄBERMEK** [jevislä:vermek], *işl.* Jebisläp başlamak.

**JEBISLIK** [jevislik], *at.* **1**. Biri-birine jebis gelijilik, jebis bolmaklyk, laýyklyk. **2**. *göç.m.* Agzybir; guramaçylykly, ysnyşykly bolmaklyk. *Täze müňýyllykda-da agzybirlik, jebislik, päk zähmet miýesser etsin!* (″Türkmenistan″).

**JEDEL**, *at.* Bir mesele, pikir barada garşylykly çekişme, özara döreýän dawa, jenjel, galmagal. *Gandym aksakal jedeliň arasyny açmak isledimi nämemi, Öwezmyrat batyra dikanlap sorag berdi* (A. Gowşudow).

◊ **Jedel etmek** biri bilen jedelleşmek.

**JEDELÇI**, *syp., ser.* **Jedelkeş**.

**JEDELKEŞ**, *syp.* Jedel etmegi, çekişme guramagy halaýan adam, jedelçi. *Ol bir jedelkeş adam ekeni.*

**JEDELKEŞLIK**, *at.* Jedel edijilik, jedel, çekişme guramagy gowy görüjilik. *Dost, sen nähili hem bolsa, jedelkeşligiňi goý!*

**JEDELKEŞRÄK** [jedelkeşirä:k], *syp.* Birneme jedel, dawa edegenräk, dawaçylrak. *Ol jedelkeşräk adamdyr.*

**JEDELLEŞDIRMEK**, *işl.* Jedel etdirmek, bir mesele barada iki taraplaýyn çekişme döretmek.

**JEDELLEŞIBERMEK** [jedelleşivermek], *işl.* Jedelleşip başlamak.

**JEDELLEŞME**, *iş ady.* Jedelleşmek ýagdaýy.

**JEDELLEŞMEK**, *işl.* Başga biri bilen ýa-da birnäçe bolup jedel etmek.

**JEDELLEŞMEKLIK**, *iş ady.* Jedelleşmek ýagdaýy.

**JEDELLEŞMEZLIK**, *iş ady.* Jedel edişmezlik.

**JEDELLI**, *syp.* **1**. Jedel döredýän, çekişmeli. *Jedelli ylmy iş.* **2**. *gepl.d.* Dawaly, galmagally.

**JEDELLIRÄK** [jedellirä:k], *syp.* Birneme jedelli.

**JEDELSIZ**, *syp.* **1**. Jedel döretmeýän, çekişmeli däl, çekişmesiz. *Ýygnak jedelsiz geçdi.* **2**. *göç.m.* Gürrüňsiz, şeksiz. *Ol tabşyrygy jedelsiz ýerine ýetirer.*

**JEDELSIZLIK**, *at.* Jedel ýokluk, çekişmeli dällik, çekişmesizlik.

**JEDELSIZRÄK** [jedelsizirä:k], *syp.* Çekişmesizräk, azrak çekişmeli, azrak jedelli. *Şu mesele jedelsizräk ýaly welin, munda-da garşylykly pikirler ýüze çykyp dur.*

**JEDIRDEME**, *iş ady.* Jedirdemek ýagdaýy.

**JEDIRDEMEK**, *işl.* Jedir-jedir edip gürlemek, örän çalt geplemek (çagajyklar, aýratyn-da gyzjagazlar hakynda).

**JEDIRDEMEKLIK**, *iş ady.* Jedirdemek ýagdaýy.

**JEDIRDEMEZLIK**, *iş ady.* Jedirdäp gürlemezlik.

**JEDIRDEŞMEK**, *işl.* Biri-biriň bilen jedir-jedir edip, çalt-çalt gürleşmek. *Gyzjagazlar jedirdeşip, özara nämedir bir zat barada gürrüň edýärdiler.*

**JEDIRDETMEK**, *işl.* Kimdir birini jedir-jedir etdirip, çalt gürletmek.

**JEDIRDEÝIŞ**, *iş ady.* Jedirdemek ýagdaýy.

**JEDIRDÄBERMEK** [jedirdä:vermek], *işl.* Jedirdäp, çalasyn gürläp başlamak.

**JEDIRDI**, *at.* Jedirdäp sözleýiş. *Ýeri, bu jedirdiňiz näme?!*

**JEDIT** [jedi:t], *syp., ser.* **Jezit** (täzeçilligiň tarapdary).

**JELEGAÝ** [jeleğa:ý], *at.* Golaý-goltum ýerler, töwerek, daş-töwerek. *Onsoňam, özüň bilýäň, bu jelegaýda hiç kimde tabyt ýok* (G. Ezizow).

**JELLAT** [jella:t], *at.* **1**. Öňki döwürde ölüm jezasyna höküm edilenleriň başyny alýan, ölüm jezasy baradaky hökümi ýerine ýetirýän kellekeser. *Kelläni kesmäge gelendir jellat* (Zynhary). **2**. *göç.m.* Zalym, jebir ediji. *Goç ýigidiň pis aýaly Janyna jellat görüner* (Magtymguly). *Gözleriň jellatdyr, tilleriň aýýar* (Magtymguly).

**JELLATÇYLYK** [jella:tçylyk], *at, ser.* **Jellatlyk**.

**JELLATLYK** [jella:tlyk], *at.* Jelladyň käri.

**JELLAP** [jella:p], *at.* Alyp satýan söwdagär, peýdakeş. *Bir gün Ependi eşegini satmak üçin bazara eltip, jellaba tabşyrypdyr* ("Ependi").

**JELLAPÇYLYK** [jella:pçylyk], *at, ser.***Jellaplyk**.

**JELLAPLYK** [jella:plyk], *at.* Jellabyň käri, ýagdaýy, söwdagärlik.

**JEM**, *at.* **1**. Hasaplanandan soň çykýan umumy san, mukdar. *Bu gün ýygymçylaryň ýygan pagtasynyň jemi on bäş tonnady.* **2**. *mat.* San jemlenende çykýan netije. **3**. Tükel. *Jem wagtymyz gürleşeliň.*

◊ **Jem bolmak** ýygnanmak, üýşmek, toplanmak. *Sanly salym geçip-geçmänkä, märeke bir ýere jem boldy* (G. Kulyýew). **Jem etmek** ýygnamak, üýşürmek, toplamak, jemlemek.

**JEMAGAT** [jema:ğat], *at.* **1**. Toplanan adamlar, jemende, mähelle, märeke, köpçülik. *Dabara bütin jemagat ýygnandy.* **2**. "Adamlar" diýen manyda köpçülige ýüz tutulyp aýdylýan söz. *Hawa, jemagat, näme maslahatyňyz bolsa aýdyp duruň!* (G. Kulyýew).

**JEMAL** [jema:l], *at.* **1**. Görk, görmek, gözellik. **2**. Ýüz, keşp. *Ol Leýliniň jemalyny görüp, aglamasyny goýar ekeni* ("Leýli – Mejnun"). *Görsem, ýaryň jemalyn, gözlerim gamaşanda* (Kemine). *Jemalyndan gözüm doýmaz, Görer gözüm, mähribanym* (Talyby). **3**. Gyza dakylýan at.

◊ **Sahyp jemal** görk-görmegiň eýesi. *Meniň sahyp jemalymny gördüňmi?* (Magtymguly).

**JEMENDE** [jemenne], *at.* **1**. Adamlar, halaýyk. *Gün guşluk galandan soň, bütin jemende aýak üstüne galdy* (B. Kerbabaýew). **2**. Adam, adam-gara. *Gözýetimde görünýän jemende ýokdy.*

**JEMGYÝET** [jemğyýet], *at.* **1**. Ýaşaýyş, durmuş şertleriniň esasynda birleşen adamlaryň hemmesi, jemi. *Gulçulyk jemgyýeti. Feodal jemgyýet. Jemgyýetiň gurluşy. Raýatlyk jemgyýeti. Demokratik jemgyýet.* **2**. Gurama. *Kitapsöýüjiler jemgyýeti. Awçylar jemgyyeti.* **3**. Önümçilik kärhanasy. *Paýdarlar jemgyýeti. Hojalyk jemgyýeti.*

**JEMGYÝETÇILIK** [jemğyýetçilik], *at.* **1**. Jemgyýete degişli (*jemgyýet* sözüniň 1-nji manysynda), jemgyýetde bolup geçýän, adamlaryň jemgyýetdäki işi bilen bagly. *Şeýle pikirleriň ýüze çykmagyna şol döwrüň jemgyýetçilik gurluşynyň hem belli bir derejede täsiri bolupdyr* ("Türkmenistan"). *Jemgyýetçilik ylymlary. Jemgyýetçilik pikiri.* **2**. Kollektiwiň syýasy, medeni we

professional hajatlaryna meýletin hyzmat etmek bilen bagly işe degişli. *Jemgyýetçilik guramalar. Jemgyýetçilik pikiri. Jemgyýetçilik başlangyçlar. Jemgyýetçilik işi.* **3**. Jemgyýete, köpçülige degişli. *Jemgyýetçilik emlägi.*

**JEMHURYÝET** [jemhu:ryýet], *at, kön.s.* Respublika.

**JEMI**, *çal.* Hemmesi, ählisi, bary. *Bu ýigitler jemi on alty adamdy* (A. Gowşudow).

**JEMLEME**, *iş ady.* Jemlemek ýagdaýy.

**JEMLEMEK**, *işl.* **1**. Bir ýere toplamak, üýşürmek, jem etmek, ýygnamak. *Maksatnama ähli halkyň örän baý tejribesini, onuň iň täze taryhyny özünde jemlemelidir* ("Türkmenistan"). *Toý üçin pul jemlemek.* **2**. Belli bir netijä gelmek, netije çykarmak. *Jemläp aýtmak.* **3**. *mat.* Goşup, jemini çykarmak.

**JEMLEMEKLIK**, *iş ady.* Jemlemek ýagdaýy.

**JEMLEMEZLIK**, *iş ady.* Jemlemek işini etmezlik.

**JEMLENIBERMEK** [jemlenivermek], *işl.* Toplanyp, jem bolup başlamak.

**JEMLENIŞIK**, *at.* Birnäçe bolup, bir ýere üýşmeklik, ýygnanyşyk; üýşmeleň. *Gaýyp molla, şahyrlaryň jemlenişiginde emire ýüzlenip, bir şygyr okarsyňyz gerek?* ("Edebiýat we sungat").

**JEMLENIŞMEK**, *işl.* Birnäçe ya-da köp bolup, bir ýere jemlenmek.

**JEMLENMEK**, *işl.* **1**. Bir ýere toplanmak, ýygnanmak, üýşmek. **2**. Belli bir netijä gelinmek. *Pikirimiz bir ýere jemlendi.*

**JEMLEŞDIRMEK**, *işl.* Ähli gerekli zatlary toplaşdyrmak, üýşürişdirmek, jem edişdirmek, ýygnaşdyrmak. *Gerekli ýazgylaryň hemmesini jemleşdirip, başlyga gowşurdy.*

**JEMLEŞMEK**, *işl.* Toplamaga, jemlemäge kömekleşmek.

**JEMLETMEK**, *işl.* **1**. Bir ýere toplatmak, üýşürtmek. *Ähli güýji bir ýere jemletmek.* **2**. Belli bir netije çykartmak. *Ýaryşyň jemini jemletmek.*

**JEMLEÝIŞ**, *iş ady.* Jemlemek ýagdaýy.

**JEMLEÝJI**, *syp.* Belli bir meseläni, çäräni, işi jem edýän. *Durmuşyň özi hem ylmy pikirleri jemleýji we aňbilim ýaýradyjy edaranyň döredilmegini talap edýärdi* ("Türkmenistan"). *Aýdym-saz bäsleşigiňiziň jemleýji tapgyrynyň açylmagy bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn* ("Nesil").

**JEMPIR**, *at.* Köýnek şekilli örme eşik, torköýnek. *Düýe ýüňünden örülen jempir.*

**JENAN** [jena:n], *at.* **1**. Aşygyň söýgülisi, magşugy, söýgüli ýar. **2**. Owadan aýal maşgala. *Iň ilkinji sahypalaň birinde, Görýär gözüm bir jenanyň suratyn* (M. Seýidow).

**JENAP** [jena:p], *at.* Sylag, hormat bilen ýüzlenilende aýdylýan söz.

**JENAÝAT** [jena:ýat], *at, hukuk.* **1**. Döwlet kanunlary bilen berkidilen we şu kanunlar esasynda jogapkärçilige çekmegi talap edýän, jemgyýet üçin howply hereket, günä. **2**. *göç.m.* Ters ýollara alyp barýan nädogry, zyýanly hereket.

◊ **Jenaýat hukugy** hukuk pudagynyň jemini hasyl edýän hukuk kadalary arkaly jenaýat düşünjesini we onuň alamatlaryny, edilen jenaýatyň esaslaryny, onuň edilendigi üçin jenaýat jogapkärçiliginiň çäklerini, jenaýat jogapkärçiliginden boşamagyň we jeza bermegiň şertlerini kesgitleýän ylym.

**JENAÝATÇY** [jena:ýatçy], *at.* Jenaýat eden adam. *Körpe kesek zyňlan ýere ylgady, emma jenaýatçy eýýäm haýatdan aňryk syrylyp düşüp, gizlenen bolmaga çemeli* (N. Esenmyradow).

**JENAÝATÇYLYK** [jena:ýatçylyk], *at.* Kabul edilen kanuny bozujylyk.

**JENAÝATÇYLYKLY** [jena:ýatçylykly], *syp., ser.* **Jenaýatly**.

**JENAÝATKÄR** [jena:ýatkä:r], *at, ser.* **Jenaýatçy**. *Günäsi subut edilen jenaýatkär ýaly ýüzüni aşak saldy.*

**JENAÝATKÄRÇILIK** [jena:ýatkä:rçilik], *at.* Jenaýat edijilik, jenaýatkärlik.

**JENAÝATKÄRÇILIKLI** [jena:ýatkä:rçilikli], *syp.,ser.* **Jenaýatçylykly**.

**JENAÝATKÄRLIK** [jena:ýatkä:rlik], *at, ser.* **Jenaýatkärçilik**.

**JENAÝATLY** [jena:ýatly], *syp.* Jenaýaty bar bolan, günäli, etmişli.

**JENAÝATSYZ** [jena:ýatsyz], *syp.* Jenaýaty bolmadyk, jenaýatly hereket etmedik, jenaýatkärçiliksiz.

**JENEWÜT**, *at.* Söwüdiň inçejik baldaklary aşak sallanyp ösýän bir görnüşi, leýlisaç. *Bahar gidip barşyna: – Men garry jenewüdiň saýasynda garaşaryn – diýip gygyrdy* (T. Taganow).

**JENJEL**, *at.* Galmagal, gykylyk, dawa.

**JENJELÇI**, *at.* Jenjel edýän adam, dawa, gykylyk etmegi gowy görýän, dawaçyl.

**JENJELLEŞIBERMEK** [jenjelleşivermek], *işl.* Jenjelleşip başlamak.

**JENJELLEŞDIRMEK**, *işl.* Jenjel etdirmek, dawa etdirmek. *Olary jenjelleşdirmek saňa näme gerek boldy?!*

**JENJELLEŞME**, *iş ady.* Jenjelleşmek ýagdaýy.

**JENJELLEŞMEK**, *işl.* Biri bilen jenjel, dawa etmek. *Jenjelleşmek, çekeleşmek beýlede dursun, ol indi hiç kime, hatda ejesine-de bir agyz agramly söz aýdanok* (B. Kerbabaýew).

**JENJELLEŞMEKLIK**, *iş ady.* Jenjelleşmek ýagdaýy.

**JENJELLEŞMEZLIK**, *iş ady.* Biri bilen jenjel, dawa etmezlik.

**JENJELLI**, *syp.* Dawaly, gykylykly, galmagally, gopgunly.

**JENJELLIRÄK** [jenjellirä:k], *syp.* Birneme jenjelli, dawalyrak.

**JENJELSIZ**, *syp.* **1**. Dawasyz, gykylyk-gopgunsyz. *Bu meseläni jenjelsiz çözüp bolaýsa, gaty gowy bolardy.*

**JENNET**, *at.* **1**. Dini düşünjä görä, şerigatyň kada-kanunlaryny berjaý eden adamlaryň o dünýäde ruhy ýaşaýan jaýy, uçmah, behişt. *Jany jennet içre, gökde şat gezer, Ýerde hoşwagt ýatar posty atamyň* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Sapaly, eşretli bag-bakjalyk ýer. *Bu ýerler jennet ýerler.* **3**. Gyza dakylýan at.

**JENNET I**, *syp.* Jennete düşýän, günäsiz (adam).

**JEŇ**, *at.* **1**. Uruş, söweş. *Göreşde ýykylyp, jeňde ýeňilen, Içi doly namys bilen ar bolar* (Magtymguly). **2**. *göç.m.* Dawa, jenjel, galmagal, gykylyk. *Obada jeň tapsa, sansyz bidöwlet, Mert oglunyň depesinde muş döker* (Magtymguly). *Ýagşylaryň söhbetinde jeň bolmaz, Aýrylyşsa, biri-birinden hoş gider* (Seýdi).

**JEŇBAZ** [jeňma:z], *at.* **1**. Jeň, uruş isleýän adam, uruş oduny tutaşdyryjy, jeňparaz. **2**. *gepl.d.* Dawaçyl, jenjelçi, gykylykçy, galmagalçy.

**JEŇBAZÇYLYK** [jeňma:zçylyk], *at, ser.* **Jeňbazlyk**.

**JEŇBAZLYK** [jeňma:zlyk], *at.* **1**. Uruş oduny tutaşdyryjylyk, uruş, jeň isleýjilik, jeňparazlyk. **2**. *gepl.d.* Dawaçyllyk, jenjelçillik, gykylykçyllyk, galmagalçyllyk.

**JEŇLI**, *syp., gepl.d.* Dawaly, galmagally, gopgunly. *Biz jeňli gürrüňden bizar bolduk.*

**JEŇLIRÄK** [jeňlirä:k], *syp.,gepl.d.* Dawalyrak, gopgunlyrak. *Seniň bu aýdýanyň jeňliräk bolaýmasa ýagşydyr.*

**JEŇSIZ**, *syp., gepl.d.* Dawasyz, gopgunsyz. *Jeňsiz sag-amanja aýrylyşsak bolýar.*

**JEŇŇEL**, *at.* Gyrymsy agaçlaryň köp ösen ýeri, tokaý.

**JEŇŇELLI**, *syp.* Jeňňeli bar bolan (ýer, meýdan). *Jeňňelli jülgeler.*

**JEŇŇELLIK**, *at.* Gyrymsy agaçlar ösen giň meýdan. *Bir gapdalda jeňňellik, bu gapdalda derýamyş, Güýzüň salkyn şemalyn içip gidip barýarmyş* (K. Gurbannepesow).

**JEŇPARAZ**, *at, ser.* **Jeňbaz**.

**JEŇPARAZLYK**, *ser.* **Jeňbazlyk**.

**JEPA** [jepa:], *at.* **1**. Horluk, azap, jebir, ejir. **2**. Agyr zähmet, ejirli iş. *Ekseň gyzyl biter, kemdir jepasy, Köňül arzuw eýlär, watanym, seni* (Zelili).

◊ **Jepa çekmek** uly iş bitirmek, zähmet çekmek; horluk görmek, agyr durmuşy, kynçylygy başdan geçirmek. *Mert gerek jepa çekmäge, At gerek dere sökmäge* (Magtymguly).

**JEPBAR** [jepba:r], *at.* **1**. Allanyň bir ady ("Güýçli, kuwwatly" diýen manyda). *Bizni goýduň syna dagly, Sizni Jepbara tabşyrdym* ("Saýatly – Hemra"). **2**. Oglana dakylýan at.

**JEPAHOR** [jepa:ho:r], *syp.,k.d., ser.* **Jepakeş**. *Jepahor bendeleriň janydyr ol* (Abdysetdar Kazy).

**JEPA-JEBIR** [jepa:-jevir], *at, ser.* **Jebir-jepa**. *Magtymguly çekseň jepa-jebir, bil, Hudaga hoş geler şükür-sabyr, bil* (Magtymguly).

**JEPAKEŞ** [jepa:keş], *syp.* Zähmetden gaçmaýan, zähmetsöýer, her bir kynçylyga hötde gelýän. *Jepakeş adam.*

**JEPAKEŞLIK** [jepa:keşlik], *at.* Jepa çekijilik, zähmet söýüjilik, jepadan gaçmazlyk.

**JEPALY** [jepa:ly], *syp.* Agyr zähmetli, azaply, horlukly. *Jepaly günler yzda galdy, indi sapaly döwür geldi.*

**JEPALYLYK** [jepa:lylyk], *at.* Jepasy, zähmeti barlyk, azaplylyk.

**JEPASYZ** [jepa:syz], *syp.* Jepasy ýok, ýeňil zähmetli, azapsyz, horluksyz.

**JEPASYZLYK** [jepa:syzlyk], *at.* Jepasy ýokluk, ýeňil zähmetlilik, azapsyzlyk, horluksyzlyk.

**JEPASYZRAK** [jepa:syzyra:k], *syp.* Jepasy azrak, azapsyzrak. *Ýaltalar, köplenç, jepasyzrak iş gözleýärler.*

**JERAHAT** [jera:hat], *at, k. d.* Ýaraly. *Meni görseň, ýüreklerim jerahat, Anyň üçin ahy-efgan edermen* ("Melike – Dilaram").

**JERAHATDAR** [jera:hatda:r], *syp., k. d.* Ýaraly, ýaradar. *Görogly jerahatdar bolup, gana bulaşyp ýatyr* ("Görogly").

**JERÇI**, *at.* Ownuk-uşak haryt satýan söwdagär, satygçy. *Jerçiler matalaryny şapyrdadyp, hyrydarlaryň ünsüni özüne çekýärdi.*

**JERÇILIK**, *at.* Ownuk harytlary alyp-satma söwdasyny etmeklik, jerçiniň käri, satygçylyk. *Ol bazarlarda jerçilik ederdi.*

**JEREN**, *at.* **1**. Gum we dag keýiginiň geçisi, keýik. *Bir jeren aldyrsa, elden owlagyn, Mäleý-mäleý gözlemeýen bolarmy?* (Magtymguly). **2**. Gyza dakylýan at.

◊ **Jeren ýaly (kibi, dek, kimin) 1**) keýerjekläp duran, keýik ýaly. **2**) gözleri jereniň gözi ýaly (jeren ýaly).

**JERHET**, *at.* Ýarada, başda we ş.m. emele gelýän hapa, ganly iriň. *Onuň böwreginde jerhet bar ekeni* (B. Kerbabaýew).

**JERIME** [jeri:me], *at.* Temmi hökmünde salynýan pul tölegi.

**JESET**, *at.* **1**. Göwre, beden. *Talwas urup jesetde jan, Çyksam diýer ýara lazym* (Magtymguly). **2**. Meýit, läş.

**JET**, *syp., hal.* Biri bilen ters ýagdaýdaky, biri bilen ylalaşyksyz gatnaşykda bolan. *Heý ak ýürekli bilen gara ýürekli hem jet bolmazmy?* (A. Gowşudow). *Onuň bilen jet adama gabat gelmeseň gerek.*

**JETLEŞDIRMEK**, *işl.* Kimdir birini başga biri bilen jet etmek, tersleşdirmek.

**JETLEŞIK**, *at, ser.* **Jetlik**. *Jetleşik oňlulygyň üstünden eltmez.*

**JETLEŞIBERMEK** [jetleşivermek], *işl.* Jetleşip, tersleşip ugramak. *Az zadyň üstünde jetleşibermek bolarmy?*

**JETLEŞME**, *iş ady.* Jetleşmek ýagdaýy.

**JETLEŞMEK**, *işl.* **1**. Biri bilen jet bolmak, biri bilen tersleşmek. **2**. Dawalaşmak, galmagal edişmeklik. *Iş üstünde jetleşmek.*

**JETLEŞMEKLIK**, *iş ady.* Jetleşmek ýagdaýy.

**JETLEŞMEZLIK**, *işl.* Jet bolmazlyk.

**JETLIK**, *at.* Biri-biriň bilen jet, ters ýagdaýda bolmaklyk, terslik, jetleşik.

**JEÝHUN** [jeýhu:n], *syp.* **1**. Möwç urýan, mes, gazaply, joşgunly. **2**. Amyderýanyň gadymdan gelýän ady. **3**. Oglana dakylýan at.

**JEZA** [jeza:], *at.* Edilen günä ýa-da jenaýat üçin görülýän çäre, berilýän temmi.

**JEZALANDYRMA** [jeza:lannyrma], *iş ady.* Jezalandyrmak ýagdaýy.

**JEZALANDYRMAK** [jeza:lannyrmak], *işl.* Jeza bermek, berk temmi bermek, çäre görmek.

**JEZALANDYRMAKLYK** [jeza:lannyrmaklyk], *iş ady.* Jezalandyrmak ýagdaýy.

**JEZALANDYRMAZLYK** [jeza:lannyrmazlyk], *iş ady.* Jeza, temmi bermezlik.

**JEZALANDYRYŞ** [jeza:lannyryş], *iş ady.* Jezalandyrmak ýagdaýy.

**JEZASYZ** [jeza:syz], *syp.* Jeza çäresi bellenmedik, jeza berilmedik.

**JEZIRE** [jezi:re], *at, k. d.* Dört töweregini suw gabap alan ýer, ada. *Şol ýaryň yzynda sepillik etseň, Çölde, jezirede sen mesgen tutsaň, Gülgüzaryň istäp, her ýana gitseň, Seniň birlen hemra Sala, Bilbilim!* (Şabende).

**JEZIT** [jezi:t], *syp.* **1**. ″Täze″ diýen manyda ulanylýan söz, jedit. **2**. *taryh.* Jezitçiligiň tarapdary, jezitçilik hereketine gatnaşyjy.

**JEZITÇE** [jezi:tçe], *syp.* ″Arap hatynyň ýeňilleşdirilen täzeçe görnüşi″ manysynda ulanylýan söz. *Jezitçe ýazylan hat.*

**JEZWEL** [jezwöl], *at, k.d.* **1**. Tegelek çyzyk çyzýan gural, jizwer. **2**. Çyzyk, çyzmyk, nagyş. *Ak kagyza çekilendir göýä jezwel mysaly* (Mollanepes).

**JEZWELLI** [jezwöllü], *syp.* Ýüzi çyzmyklanan, ýüzüne çyzmyk çekilen, nagyşly, nagyşlanan. *Zer warakly, ýüzi gyzyl jezwelli, Okydygym kitap – Gurhan gal indi* (Seýdi).

**JÄÇ** [jä:ç], *at.* Ýokary hilli toýundan (kaolinden) içine- her hili garyndylar goşup, emeli ýol bilen ýasalan palçyk we şol palçykdan iki gezek bişirilip taýýarlanan çäýnek, käse ýaly önüm. *Jäç döwülse, gowulyk bormuş ahyryn, kakasy* (O. Ödäýew).

**JÄGILDEME** [jä:ğilleme], *iş ady.* Jägildemek ýagdaýy.

**JÄGILDEMEK** [jä:ğillemek], *işl.* Jägildili ses çykarmak, jäk-jäk edip aglamak. *Goňşymyzyň öýünde dünýä indi jägildäp, Onlap gapy daň bilen açylypdy jygyldap* (M. Seýidow).

**JÄGILDEMEKLIK** [jä:ğillemeklik], *iş ady.* Jägildemek ýagdaýy.

**JÄGILDEMEZLIK** [jä:ğillemezlik], *iş ady.* Jäk-jäk edip ses çykarmazlyk.

**JÄGILDEŞMEK** [jä:ğilleşmek], *işl.* Ýerli-ýerden jägildili ses çykarmak. *Bäbejikler jägildeşip ýatyrlar.*

**JÄGILDETMEK** [jä:ğilletmek], *işl.* Ugruna seretmän, jägildili ses çykartmak, jäk-jäk etdirip aglatmak.

**JÄGILDÄBERMEK** [jä:ğillä:vermek], *işl.* Jäk-jäk edip aglap başlamak.

**JÄGILDI** [jä:ğilli], *at.* Bäbegiň ″jäk-jäk″ edip aglanda çykýan ses. Bäbegiň *jägildisi ýatmady.*

**JÄHEK**, *at.* Donuň, çäkmeniň, begresiň, çabydyň etegine, ýakasyna pugtalyk we gelşik üçin tutulýan barmakdan insizräk ýasy kakma ýüp. *Bu donuň jähegi ýüpekdendir.*

◊ **Jähek çalmak** iki eliň dört barmagyna ildirilen sapaklary biri-biriniň içinden geçirip, tutmaly ýerine ýörmemek (bu işi iki adam ýerine ýetirýär).

**JÄHEKLEME**, *iş ady.* Jäheklemek ýagdaýy.

**JÄHEKLEMEK**, *işl* **1**. Türkmen milli aýal köýneginiň ýakasyna, oglan we gyz tahýalarynyň etegine, çabydyň, begresiň, donuň, çäkmeniň ýakasyna, ýeňine, beýleki gyralaryna we ş.m. jähek tutmak, jähek etmek. *Ýene biri durluklaryň gyrasyny alaja ýüp bilen jähekleýärdi* (″Edebiýat we sungat″). **2**. *ser.* **Jähek çalmak**.

**JÄHEKLEMEKLIK**, *iş ady.* Jäheklemek ýagdaýy.

**JÄHEKLEMEZLIK**, *iş ady.* Jähek tutmazlyk.

**JÄHEKLENMEK**, *işl.* Jähek tutulmak. *Ýakasy we etegi jäheklenen don.*

**JÄHEKLEŞMEK**, *işl.* **1**. Jähek tutmaga, jäheklemäge kömekleşmek, kömek etmek. *Düýn Jeren*

*ýarym günläp Gülüň begresini jähekleşdi.* **2**. Bile jäheklemek. *Bir topar gelin-gyz çykjak gyzyň çabydyny, begresini jähekleşip otyrdy.*

**JÄHEKLETMEK**, *işl.* Jähek tutdurmak. *Maýsa jorama çäkmeniň jübüsiniň agyzlaryny jähekletdim.*

**JÄHEKLÄBERMEK** [jäheklä:vermek], *işl.* Jäheklăp başlamak.

**JÄHEKLI**, *syp.* Jähek tutulan, jäheklenen, jähegi bar.

**JÄHEKLIK**, *syp.* Jähek etmek üçin gerek bolan (ýüplük, ýüpek sapak).

**JÄHEKSIZ**, *syp.* Jähegi ýok, jäheklenmedik.

**JÄHENNEM I**, *at.* Günä edenleriň ruhunyň o dünýäde baky azapda ýaşaýan jaýy, dowzah, tamy. *Jähenneme gitjek özüne ýoldaş gözlär* (Nakyl).

◊ **Jähennem bazary** o dünýä. **Jähennem bol!** Ýok bol, gözüme görünme! **Jähenneme git** nirä gitseň, şoňa git, owarra bol, güm bol. **Jähennem et!** Güm et, ýitir, ýok et.

**JÄHENNEM II**, ″Näme bolsa, şol bolsun″, ″owarram″ diýen manyny aňladýan söz. *Jähennem, gelmese ýigitlik çagy* (Kemine).

**JÄHET**, *at.* Tarap, nukdaýnazar. *Durmuşyň ähli jähetlerinde çalt we täsin galdyryjy öňe gidişligiň gazanylandygyny görmek begençlidir* (″Türkmenitsan″).

**JÄHT**: **jäht tutmak** çynlakaý tutmak, zerur hasaplamak, ileri tutmak. *Haýyr işi jäht tut* (Atalar sözi). *Häzir päleden jäht tutmaly zat ýok* (B. Kerbabaýew).

**JÄJEK** [jä:jek], *at.* Çaga oýnawajy.

◊ **Jäjek çykarmak** *gepl.d.* gyzamyk çykarmak.

**JÄJEM** [jä:jem], *at.* Çäýnek-käse ýasalýan farfor, jäç. *Ol: "Käsäniň jäjemi gowy eken" diýdi.*

**JÄK-JÄK** [jä:k-jä:k], *at.* Ýaşajyk çaga aglanda çykýan sesinin atlandyrylyşy. *Bäbejigiň jäk-jägi eşidilen bada çagajyklar buşlamaga eňdiler.*

**JIBIRDEMEK** [jivirdeme], *işl., ser.* **Jibrinmek**.

**JIBIRDEŞMEK** [jivirdemek], *işl.,ser.* **Jibrinişmek**.

**JIBIRDI** [jivirdi], *at.* Janyýangynlyk bilen edilýän gürrüň, zeýrenç, nägilelik. *Näme beýle olaryň jibirdisi ýatmady-la!*

**JIBIR-JIBIR** [jivir-jivir]**: jibir-jibir etmek** *ser.* **Jibrinmek**. *Göwresinden uly sesli kapitan janykdy-da, jibir-jibir edip zeýrendi* (A. Atajanow).

**JIBRINDIRMEK** [jivrinnirmek], *işl.* Birini zeýrendirmek, käýindirmek. *Çagany köp jibrindirip durma.*

**JIBRINIBERMEK** [jivrinivermek], *işl.* Nägilelik bilen zeýrenip, käýinip başlamak.

**JIBRINME** [jivrinme], *iş ady.* Jibrinmek ýagdaýy.

**JIBRINMEK** [jivrinmek], *işl.* Nägilelik bilen zeýrenmek, käýinmek; janygyp gürrüň etmek. – *Wah, jan gelnim, men oňa ýene üç günden habar tut diýdim ahyryn – diýip, Teneçir eje jibrindi* (N. Pomma).

**JIBRINMEKLIK** [jivrinmeklik], *iş ady.* Jibrinmek ýagdaýy.

**JIBRINMEZLIK** [jivrinmezlik], *iş ady.* Nägilelik bilen zeýrenmezlik, käýinmezlik.

**JIGER** [jiğer] **I**, *at.* Bagyr. *Jiger-bagrym bölek-bölek diliner* (″Saýatly – Hemra″). *Magtymguly zar aglaýyp, Jigerim nara daglaýyp, Ol Meňli ýarym çaglaýyp, Her gün çekdi efgan pyrak* (Magtymguly).

**JIGER** [jiğer] **II**, *at.* Ýaşajyk kerkaw.

**JIGERBENT** [jiğervent], *at.* Perzent, çaga, bala. *Men bir şanyň jigerbendi, Menden gaýry ýok perzendi* (Şabende).

**JIGI** [jiği], *at.* **1**. Özüňden kiçi erkek ýa-da gyz dogan. *Enebaý eje bu goh-galmagala oýanyp, ýorganlarynyň üstünde oýaly-ukuly gözlerini owkalap oturan Aba bilen Ýusupberdä: – Balalam, ogul jigiňiz boldy – diýip, lak atdy-da, täze dogan çaganyň sesi çasly çykýan tama tarap döndi* (Gurbanguly Berdimuhamedow, ″Alem içre at gezer″). *Daşary çykyp görse, öz jigisiniň sesi eken* (B. Annageldiýew). **2**. *gepl.d.* Özüňden ýaşy kiçi ýaşly oglan-gyza ýüzlenmek üçin aýdylýan söz.

**JIGIRDEK** [jiğirdek] **I**, *at.* Ownuk igde, guşigde. *Jeňňel jigirdek agaçlaryndan ybaratdy.*

**JIGIRDEK** [jiğirdek] **II**, *at.* Goýnuň guýruk ýagy ýa-da mal ýagy gowrulanda eremän galýan ýag gowurdagy, jyzzyk. *Içine jigirdek salnyp bişirilen çörek tagamly bolýar.*

**JIGIT** [jiğit], *at, taryh.* Öňki döwürde atly goşunda gulluk eden esger, atly goşun nökeri. *Öz töweregine jigit toplap başlady* (B. Kerbabaýew).

**JIGITBAŞY** [jiğitbaşy], *at, taryh.* Jigitleriň ýolbaşçysy.

**JIGITLIK** [jiğitlik], *at.* Jigidiň käri, ýagdaýy.

**JIGLEME** [jiğleme], *iş ady.* Jiglemek ýagdaýy. *Ol özünüň ýürek jiglemesini gizlejek bolmady.*

**JIGLEMEK** [jiğlemek], *işl.* Adamyň endamy bir hili jümşüldili üýtgeşik täsiri syzmak, kalba täsir etmek. *Ýurtdaşymy görenimden ýüregim jigläp gitdi.*

**JIGLEMEKLIK** [jiğlemeklik], *iş ady.* Jiglemek ýagdaýy.

**JIGLÄBERMEK** [jiğlä:vermek], *işl.* Ýürek jigläp başlamak.

**JIJI**, *at, gepl. d., ser.* **Jigi**. *Jijim, eger seniň hasapçy boljagyň çynyň bolsa, men saňa bir öwüt bereýin* (N. Jumaýew).

**JIKGE**, *at.* Aşygyň çukur tarapy we şol tarapynyň ýokaryk bolup ýatan görnüşi. *Atylan dört sany aşygyň ikisi dükge, ikisi hem jikge ýatdy.*

**JIKGERILMEK**, *işl.* Jikgerip seretmek. *Näme beýle meniň ýüzüme jikgerilýärsiň.*

**JIKGERIŞ**, *iş ady.* Jikgermek ýagdaýy.

**JIKGERIŞMEK**, *işl.* Biri-biriňe üns bilen nazaryňy dikmek, jikgerip, ünsli seredişmek.

**JIKGERME**, *iş ady.* Jikgermek ýagdaýy.

**JIKGERMEK**, *işl.* **1**. Birine üns bilen nazaryňy dikmek. *Ol garşydaşyna jikgerip garady*. **2**. *göç. m.* Birine haýbat atan bolmak, biriniň üstüne herrelmek, dazarylmak, hemle urmak.

**JIKGERMEKLIK**, *iş ady.* Jikgermek hereketi.

**JIKGERMEZLIK**, *iş ady.* Birine ünsli nazaryňy dikmezlik.

**JIKGERTMEK**, *işl.* Birine üns bilen nazaryny dikdirmek, jikgerip seretdirmek. *Olaryň arasyndan sogrulan gyzyl köýnekli gyz Orazlynyň gözlerini jikgertdi* (R. Gelenow).

**JIKGILDEME** [jikgilleme], *iş ady.* Jikgildemek ýagdaýy.

**JIKGILDEMEK** [jikgillemek], *işl.* **1**. *ser.* Jik-jik etmek, jirkildemek, jürküldemek (kiçijik guşlar hakynda). **2**. *göç.m.* Enem-atam näme getirerkä diýip, gözjagazlaryny tegeleşip oturmak. *Adamsyny urşa ugradyp, meýdanda der saçyp işläp ýören enäniň ejesine garaşyp, jikgildäp oturan kiçijik çagasy birsyhly göz öňünde janlanýardy.*

**JIKGILDEMEZLIK** [jikgillemezlik], *iş ady.* Jikgildäp durmazlyk, jikgildäp oturmazlyk.

**JIKGILDÄBERMEK** [jikgillä:vermek], *işl.* Jikgildäp başlamak.

**JIKGILDEŞMEK** [jikgilleşmek], *işl.* **1**. Birnäçe bolup jikgildemek. **2**. *göç.m.* Jik-jik edip, ses çykaryşmak.

**JIKGILDEÝIŞ** [jikgilleýiş], *iş ady.* Jikgildemek ýagdaýy.

**JIKGILDI** [jikgilli], *at,ser.* **Jirkildi**.

**JIKJERIBERMEK** [jikjerivermek], *işl.* Birden dogumsyrap başlamak.

**JIKJERILMEK**, *işl.* Jikjerip dogumsyramak. *Sen meniň başyma jikjerilen bolma.*

**JIKJERIŞ**, *iş ady.* Jikjermek ýagdaýy.

**JIKJERIŞMEK**, *işl.* Dogumsyraşmak. *Oglanlar jikjerişip uruşjak boldular.*

**JIKJERME**, *iş ady.* Jikjermek ýagdaýy.

**JIKJERMEK**, *işl.* Ýoknasyz dogumsyramak, dogumlysyran bolmak; eýemsirmek. *Ol murtjagazlaryny towlap, ýene jikjerip gepledi* (B. Kerbabaýew). *Hanha bir gapdalda ýene bir kelpeň. Gyzyldan dişini güjeňlän bolup, Jikjeren bolup dur. Gelin uýalýar. Gaşlar aşak inýär misli bir bulut* (K.Gurbannepesow).

**JIKJERMEKLIK**, *iş ady.* Jikjermek ýagdaýy.

**JIKJERMEZLIK**, *iş ady.* Jikjerip durmazlyk.

**JIKJERTMEK**, *işl.* Jikjerip durar ýaly etmek.

**JIK-JIK**, *at.* Jikgildili ses.

◊ **Jik-jik öwretmek** akyl öwretmek, öwüt bermek. Ş*u günki serçe düýnki serçä jik-jik öwreder* (Atalar sözi).

**JIKJIKI**, *at.* Serçeler toparyndan bolan ondan-oňa uçup-gonup ýören kiçijik çalja guşjagaz. *Jikjikiler seslenip, Mal-garalar gerindi* (A. Kowusow).

**JIKME-JIK** [ji:kme-ji:k], *at.* Birin-birin, ýekän-ýekän, anyk, doly, çintgäp.

**JIKME-JIKLIK** [ji:kme-ji:klik], *at.* Doly suratda anyklyk, äşgärlik, ýerbe-ýerlik.

**JILT**, *at.* **1**. Kitabyň daşy, sahap. *Bu kitaplaryň jiltleri ýönekeý ýere zerlenilmändir* ("Edebiýat we sungat"). **2**. Eseriň, neşiriň aýratynlykdaky bir kitaby.

**JILTÇI** [jilitçi], *at.* Kitap, žurnal jiltleýän, sahaplaýan işgär.

**JILTGE** [jilitge / jilisğe], *at.* Ýuka içlikli ýa-da içliksiz tikilýän penjek görnüşli geýim. *Jiltgäniň astyndan uzyn köýneginiň etekleri çykyşyp durdy* (G. Kulyýew).

**JILTGELIK** [jilitgelik / jilisğelik], *at, syp.* Jiltge tikmek üçin mata. *Ol özüne jiltgelik hem aldy.*

**JILTLEME** [jilitleme], *iş ady.* Jiltlemek ýagdaýy.

**JILTLEMEK** [jilitlemek], *işl.* Kitabyň daşyna jilt, sahap etmek, kitaby daşlamak.

**JILTLEMEKLIK** [jilitlemeklik], *iş ady.* Jiltlemek ýagdaýy.

**JILTLEMEZLIK** [jilitlemezlik], *iş ady.* Jilt etmezlik.

**JILTLENMEK** [jilitlenmek], *işl.* Daşyna jilt edilmek. *Dürs ýazuw kitaby oňat jiltlenipdir.*

**JILTLEŞMEK** [jilitleşmek], *işl.* Jilt etmäge, jiltlemäge kömekleşmek. *Çaphana işgärlerine kitap jiltleşmek.*

**JILTLETMEK** [jilitletmek], *işl.* Sahap, jilt etdirmek, sahaplatmak. *Magtymgulynyň tapylan golýazmasyny çaphanada täzeden jiltletdik.*

**JILTLEÝIŞ** [jilitleýiş], *iş ady.* Jiltlemek ýagdaýy.

**JILTLÄBERMEK** [jilitlä:vermek], *işl.* Jiltläp başlamak.

**JILWE** [jilwö], *at, k.d.* **1**. Şöhle, ýalkym, ýagtylyk. *Gözümizge jilwe berur baglary, Şükür imdi, ýar mekany göründi* (Şeýdaýy). **2**. Görk-görmek, owadanlyk, gözellik. **3**. Näz, näz-kereşme. *Ýüz müň jilwe bilen janym alar sen, Gahar donun geýip, allar içinde* (Kätibi).

**JIM** [ji:m], *at.* Arap elipbiýiniň altynjy harpynyň ady. *Kemine, ýaryň ismi "käp" bilen "lama" geldi, "Jim" bilen "mim" okadym, aýny ki "lama" geldi* (Kemine).

**JIMLI** [ji:mli], *syp.,gepl.d.* Garnuwly.

**JINDE** [jinne], *at.* Köne-küşül geýim, ýyrtyk-ýyrtyk eşik, şylha. *Andan soň diwana jindesini geýip,*

*ýolga düşmekçi boldular* (Şabende). *Talyby diýr, müň bedew at, Kesgir gylyç, jöwher polat, Borç eýle, esbabyň düzet, Gezme ýyrtyk jinde bile* (Talyby).

**JINDEÇI** [jinneçi], *at.* Köne-küşül zatlary ýygnaýan adam, garagurumçy.

**JINNEK**, *at.* Ujypsyz, ownuk zat, sähelçe zat. *Söz sözläre ragbatym galmady, Tylla erdim, jinnek baham galmady* (Baýly şahyr).

◊ **Jinnek ýaly** azajyk, ujypsyz. *Seniň adamlara jinnek ýaly peýdaň degen ýeri barmyka beri?*

**JINNEKÇI**, *syp.* Biderek we sähelçe zada üns berýän, ownukçyl. *Jinnekçi adam.*

**JINNEKÇILIK**, *at.* Ownukçyllyk.

**JINNEKLIK**, *syp.* Ujypsyz, sähelçe zada deň. *Bir jinnekligem hakyň gitmez.*

**JIŇ-JIŇ**, *s. ş. aňl. söz, ser.* **Jyň-jyň.** *Kiçgineje çybynjyk, Jiň-jiň eder, haý-haý* (Halk döredijiliginden).

**JIŇKERIBERMEK** [jiňkerivermek], *işl.* Birine ýa-da bir zada dikanlap seredip başlamak.

**JIŇKERILMEK**, *işl., ser.* **Jiňkermek**. *Ol näme üçindir, onuň ýüzüne jiňkerilýärdi* (A. Geldiýew).

**JIŇKERIŞMEK**, *işl.* Biri-birine ýa-da birnäçe bolup başga birine, başga bir zada dikanlap seretmek, tiňkäňi dikmek. *Ikisi mydama uruşjak ýaly, biri--biriniň ýüzüne jiňkerişip, seredişip oturanmyşlar* (H. Ysmaýylow).

**JIŇKERME**, *iş ady.* Jiňkermek ýagdaýy.

**JIŇKERMEK**, *işl.* Birine ýa-da bir zada dikanlap äňetmek, syrly seretmek, jiňkerilmek, tiňkäňi dikmek. *Gaýta ýüzüne jiňkerip seredýär* ("Görogly").

**JIŇKERMEKLIK**, *iş ady.* Jiňkermek ýagdaýy.

**JIŇKERMEZLIK**, *iş ady.* Jiňkerilip, dikanlap seretmezlik.

**JIŇKERTMEK: gözüňi jiňkertmek** gözüňi ýumuljadyp dikanlap seretmek, siňe seretmek. *Näme gözleriňi jiňkerdýärsiň?*

**JIŇKILDEME** [jiňkilleme], *iş ady.* Jiňkildemek ýagdaýy.

**JIŇKILDEMEK** [jiňkillemek], *işl.* Hondanbärsi bolan bolmak, dogumlysyran bolmak, gopbamsyramak. *Näme beýle, geçiň öň aýagy ýaly bolup, jiňkildäp barýarsyň?*

**JIŇKILDEMEKLIK** [jiňkillemeklik], *iş ady.*Jiňkillemek ýagdaýy.

**JIŇKILDEMEZLIK** [jiňkillemezlik], *iş ady.* Gopbamsyramazlyk, dogumlysyran bolmazlyk.

**JIŇKILDEŞMEK** [jiňkilleşmek], *işl.* Birnäçe bolup jiňkillemek.

**JIŇKILDÄBERMEK** [jiňkillä:vermek], *işl.* Jiňkildäp başlamak.

**JIŇŇILDEMEK** [jiňňillemek], *işl., ser.* **Jyňňyldamak**. *Ertirden bäri jiňňildäp ýüregime düşdüň, saňa näme gerek, hany aýt.*

**JIR**, *at.* Ýuka nah matalaryň, çitleriň umumy ady. *Toý üçin jir matanyň her hili görnüşinden alyndy.*

**JIRK-JIRK**, *s. ş. aňl. söz.* Käbir guşlaryň we möjejikleriň çykarýan sesi.

**JIRKILDEME** [jirkilleme], *iş ady.* Jirkildemek ýagdaýy.

**JIRKILDEMEK** [jirkillemek], *işl.* **1**. Jirkildili ses çykarmak, jirk-jirk etmek, jürküldemek. *Bagda guşlar jirkildeýärdi*. **2**. *göç.m.* Ýersiz ýere geplemek.

**JIRKILDEMEKLIK** [jirkillemeklik], *iş ady.* Jirkildili ses çykarmak ýagdaýy.

**JIRKILDEMEZLIK** [jirkillemezlik], *iş ady.* Jirkildili ses çykarmazlyk.

**JIRKILDEŞMEK** [jirkilleşmek], *işl.* Ýerli-ýerden birnäçe bolup jirkildemek. *Gamyşlyk kölde serçeler jirkildeşýärdiler*.

**JIRKILDÄBERMEK** [jirkillä:vermek], *işl.* Jirkildili ses çykaryp başlamak.

**JIRKILDI** [jirkilli], *at.* Käbir guşlaryň yzly-yzyna jirk-jirk edip çykarýan sesiniň ady. *Bagdan guşlaryň jirkildisi gelip durdy*.

**JIRK-JIRK**, *s. ş. aňl. söz.* Käbir müçesi kiçi guşlaryň saýranda çykarýan sesleri.

**JISIM**, *at.* **1**. *fiz*. Giňişlikdäki aýratyn alnan bir zat, madda. *Gaty jisim. Suwuk jisim.* **2**. *göç.m.* Göwre, jeset, ten, beden. *Her akmaga saçma derdiň, sözüňni, Hasrat ody jismiň ýakança bolmaz* (Magtymguly). *Seniň ahyzaryň bilen, Jismimde bu jan galmady* (Talyby).

**JODUR**, *at.* Alma çigidine meňzedilip, hala we beýleki zatlara salynýan nagşyň ady.

**JODUR-JONNUK: jodur-jonnuk etmek** gaty gysgaltmak.

**JOGAP** [joğa:p], *at.* **1**. Soraga berilýän gaýtargy. **2**. Alnan hata ýa-da eşidilen habara iberilýän hat ýa-da habar. **3**. *gepl.d.* Gitmek, gelmek we ş.m. üçin berilýän ygtyýar, rugsat, razylyk. *Atasyndan jogap alyp, pata alyp gidiberdi* ("Görogly"). **4**. *mat.* Mesele çözülende çykýan ahyrky netije. *Meseläniň jogaby kitapdaky bilen dogry geldi.*

◊ **Jogap bermek 1)** gaýtargy bermek, gaýtawul bermek, agyzlaşmak. *Bir zat diýseň, gaýtam özüňe jogap berýär*. **2)** borjuňa, hereketiňe jogapkär bolmak, jogapkärçilik çekmek. **Jogap sözi** *dil b.* soralan soraga, ýüzlenilen haýyşa we ş.m. bir agyzdan berilýän gaýtargy.

**JOGAPKÄR** [joğa:pkä:r], *at.* Biri ýa-da bir zat üçin jogap bermäge boýun bolan, jogap berýän, jogapkärlik ýüklenen.

**JOGAPKÄRÇILIK** [joğa:pkä:rçilik], *ser.* **Jogapkärlik**. *Belki, ol jogapkärçiligi öz üstüne almak isleýän däldir* (Ş. Borjakow).

◊ **Jogapkärçilige çekmek** temmi bermek, çäre görmek.

**JOGAPKÄRÇILIKLI** [joğa:pkä:rçilikli], *ser.* **Jogapkärli 1**.

**JOGAPKÄRÇILIKSIZ** [joğa:pkä:rçiliksiz], *ser.* **Jogapkärsiz**.

**JOGAPKÄRLI** [joğa:pkä:rli], *syp.* **1**. Möhüm, wajyp, ähmiýetli. **2**. Garamaty uly, köp bolan. *Onuň ýerine ýetirýän wezipesi ýeňil-ýelpaý däl, örän jogapkärli* ("Türkmenistan"). *Indi öňde has uly hem jogapkärli wezipe dur* ("Nesil").

**JOGAPKÄRLIK** [joğa:pkä:rlik], *at.* Öz hereketiň, gulluk ýagdaýyň, borjuň we ş.m. sebäpli hasabat bermegi talap edýän ýagdaý, borçlulyk. *Şeýle jogapkärligiň boýnuňdadygyna düşünmegiň özi şeýle agyr işi ýerine ýetirip biljegiňi görkezýär* (A. Gowşudow).

**JOGAPKÄRLIKLI** [joğa:pkä:rlikli], *ser.* **Jogapkärli**.

**JOGAPKÄRLIKSIZ** [joğa:pkä:rliksiz], *ser.* **Jogapkärsiz**.

**JOGAPKÄRSIZ** [joğa:pkä:rsiz], *syp.* Jogapkärçiligi bolmadyk, jogapkärçiliksiz.

**JOGAPKÄRSIZLIK** [joğa:pkä:rsizlik], *at.* Jogapkärçiligi bolmazlyk, jogapkärçiligi ýokluk. *Çagalary terbiýelemek işine jogapkärsizlik gözi bilen garamak bolmaz.*

**JOGAPLY** [joğa:ply], *syp.* **1**. *mat.* Jogaby bar bolan, jogaby öňden çykarylyp goýlan. *Jogaply mesele*. **2**. *gepl.d.* Rugsat berlen, rugsatly, ygtyýarly. *Ol okuwdan jogaply galypdyr.*

**JOGAPSYZ** [joğa:psyz], *syp.* **1**. Jogap, gaýtargy berilmedik. *Soragy jogapsyz goýmady.* **2**. Jogaby çykarylmadyk, jogaby görkezilmedik. *Jogapsyz meseläniň dogry ýa-da nädogry çözülenini bilmek kyn bolýar.* **3**. Ygtyýar, rugsat berilmedik, rugsatsyz. *Jogapsyz okuwdan galmak bolmaz.*

**JOJUK** [jo:juk], *at.* Doňzuň çagasy, çaga doňuz. *Bir güýçli duşmana duşsa mekejin, Jojugyny gizlemeýen bolarmy?* (Magtymguly).

**JOJUKLABERMEK** [jo:jukla:vermek], *işl.* Jojuklap başlamak.

**JOJUKLAMA** [jo:juklomo], *iş ady.* Jojuklamak ýagdaýy.

**JOJUKLAMAK** [jo:juklomok], *işl.* Guzlamak (doňuz hakynda).

**JOJUKLAMAKLYK** [jo:juklomokluk], *iş ady.* Jojuklamak ýagdaýy.

**JOJUKLAMAZLYK** [jo:juklomozluk], *iş ady.* Jojuk guzlamazlyk.

**JOJUKLATMAK** [jo:juklotmok], *işl.* Guzlatmak (doňuz hakynda).

**JOKJOKY**, *at.* Çalymtyk-gara reňkli, torgaýyň ululygyndaky guş.

**JOKRAMA** [jokuromo], *syp.* Ýangynly yssy, ýakyp barýan yssy, güýçli yssy. *Jokrama güneşli tomus gelende, Bu ýerde ilkinji hasyl ýetişdi* (B. Hudaýnazarow).

**JOKRAMAK** [jokuromok], *işl.* Depäňi deşip barýan yssy bolmak, ýakyp barmak, howa gaty gyzmak. *Jokrap duran yssy gün.*

◊ **Jokrap oturmak** gargynyp, käýinip oturmak.

**JOKRAMAKLYK** [jokuromokluk], *iş ady.* Gaty yssy bolmak ýagdaýy.

**JOKRAMAZLYK** [jokuromozluk], *iş ady.* Gaty yssy, gyzgyn bolmazlyk.

**JOKRATMAK** [jokurotmok], *işl.* Depäňi deşip barmak, gaty gyzdyrmak, ýakyp barmak. *Tomsuň depäňi jokradýan günleriniň biridi* (A. Nazarow).

**JOMARDRAK** [jo:ma:rdyra:k], *syp.* Sahyrak, elaçygrak.

**JOMART** [jo:ma:rt], *syp.* **1**. Elaçyk, gysganç däl, sahy. *Saklap bolmaz şahyrlaryň tilini, Tutsaň durmaz jomartlaryň elini* (Zelili). *Bahyl bermez, iýmez, nanyn berk tutar, Jomart ogly aş üstüne aş goşar* (Kemine). **2**. Oglana dakylýan at.

**JOMARTLANMAK** [jo:ma:rtlanmak], *işl.* Jomart bolup başlamak, sahy bolmak, elaçyk bolmak.

**JOMARTLAŞMAK** [jo:ma:rtlaşmak], *işl.* Kem-kemden jomart bolup başlamak, birneme sahylaşmak.

**JOMARTLYK** [jo:ma:rtlyk], *at.* Elaçyklyk, gysganç dällik, sahylyk. *Jomartlygynyň ýokdur taýy* (A. Kowusow).

◊ **Jomartlyk satmak** özüňi gaty jomart, sahy, elaçyk görkezen bolmak.

**JOMARTSYRAMAK** [jo:ma:rssyramak], *işl.* Jomart, sahy, elaçyk bolan bolmak, sahysyramak. *Şol sebäpden hem jomartsyrap, bolar-bolmaz zatlary wada berýärdi.*

**JOMARTSYRAŞMAK** [jo:ma:rssyraşmak], *işl.* Birnäçe adam jomartsyramak.

**JOMP-JOMP**, *s. ş. aňl. söz.* Ýaňy ýöräp ugran çagajygyň aýak basyşy.

**JOMPULDAMA** [jompullomo], *iş ady.* Jompuldamak hereketi.

**JOMPULDAMAK** [jompullomok], *işl.* Jomp-jomp edip ýöremek (çaga ýöreýşi hakynda).

**JOMPULDAMAKLYK** [jompullomokluk], *iş ady.* Jompuldamak hereketi.

**JOMPULDAMAZLYK** [jompullomozluk], *iş ady.* Jomp-jomp edip ýöremezlik.

**JOMPULDAŞMAK** [jompulloşmok], *işl.* Birnäçe bolup jomp-jomp edip ýöremek. *Çagajyklar jompuldaşyp barýardy.*

**JOMRUBERMEK** [jomruvermek], *işl.* Jomrup başlamak. *Gögerip oturan agaçlary jomrubermek bolmaz.*

**JOMRUK**, *syp.* Bir ýerinden döwlen, jomrulan, döwük.

**JOMRULMAK** [jomrulmok], *işl.* Döwlüp aýrylmak, döwülmek. *Şol ýerde jomrulan, ýogyn agaç düýbi galypdyr, şonuň düýbünde düýrlenip ýatan simleri gördi* (A. Gowşudow).

**JOMRUŞDYRMAK** [jomruşdurmok], *işl.* Jomruk-jomruk etmek, döwüp döwüm-döwüm, bölek-bölek edişdirmek. *Ýaş miwe agajyny ynsapsyzlyk bilen jomruşdyrypdyrlar.*

**JOMURMA** [jomurmo], *iş ady.* Jomurmak ýagdaýy.

**JOMURMAK** [jomurmok], *işl.* Bir ýerinden döwmek, jorta uçurmak. *Paltanyň sapyny jomrup taşlady.*

**JOMURMAKLYK** [jomurmokluk], *iş ady.* Jomrup döwmek ýagdaýy.

**JOMURMAZLYK** [jomurmozluk], *iş ady.* Jomrup döwmezlik.

**JOMURTMAK** [jomurtmok], *işl.* Jomruk-jomruk etdirmek, döwdürmek. *Onuň elinden paltany almasaň, sapyny jomurdarsyň.*

**JONNUGRAK** [jonnuğra:k], *syp., ser.* **Jontugrak**.

**JONNUK**, *syp., ser.* **Jontuk**.

**JONTARMA** [jontormo], *iş ady.* Jontarmak ýagdaýy.

**JONTARMAK** [jontormok], *işl.* Jontuk bolmak, kelte, gysga bolmak. *Ol tilkiler bujagaz tilkiniň guýrugynyň jontaryp durşuna gülşüpdirler* (Halk ertekisinden).

**JONTARMAKLYK** [jontormokluk], *iş ady.* Jontarmak ýagdaýy.

**JONTARMAZLYK** [jontormozluk], *iş ady.* Jontuk bolmazlyk.

**JONTARTMAK** [jontortmok], *işl.* Jontuk, kelte, gysga etmek. *Itiň guýrugyny ýaman gysga kesip, jontardyp goýaýypsyň.*

**JONTARYBERMEK** [jontoruvermek], *işl.* Jontaryp başlamak.

**JONTDURMAK** [jontdurmok], *işl.* Jontuk etdirmek, gysgaltdyrmak. *Bir ýola palta salanyň bilen ol agaç saňa, oňa jontdurmaz.*

**JONTMA** [jontmo], *iş ady.* Jontmak ýagdaýy.

**JONTMAK** [jontmok], *işl., gepl. d.* Bir zadyň ujuny kesip ýa-da döwüp aýyrmak, jontuk etmek.

**JONTMAKLYK** [jontmokluk], *iş ady.* Jontmak ýagdaýy.

**JONTMAZLYK** [jontmozluk], *iş ady.* Ujuny döwüp, jontup aýyrmazlyk, jontuk etmezlik.

**JONTUBERMEK** [jontuvermek], *işl.* Bir zadyň ujuny jontup başlamak.

**JONTUGRAK** [jontuğra:k], *syp.* Ujy azrak döwlüp aýrylan,azrak jontuk.

**JONTUK**, *syp., gepl. d.* Ujy kesilen ýa-da döwlüp aýrylan; küle. *Sen öz jontuk guýrukly eşegiňi münüp, onda-munda ykdyň* (A. Gowşudow).

**JONTULMAK** [jontulmok], *işl.* Jontuk edilmek. *Piliň sapy jontulypdyr.*

**JONTUŞDYRMAK** [jontuşdurmok], *işl.* Jontuk-jontuk edişdirmek, uçlaryny kesişdirmek. *Bagban agaçlaryň şahalaryny jontuşdyrdy*.

**JOŇKARMA** [joňkormo], *iş ady.* Joňkarmak ýagdaýy.

**JOŇKARMAK** [joňkormok], *işl.* **1**. Dyzlaryňy epip, iki aýagyň üstünde çugutdyryp oturmak, çommalmak. *Meniň jigim keýkeren, Keýikleri kökeren, Suw başynda joňkaran, Aş başynda keýkeren* (Hüwdi). **2**. *gepl.d.* Dikgerip görünmek, dikelip durmak, dikgermek. *Holha, ilerki Hanýabyň boýunda taraz sakçynyň çöp kümesi joňkaryp otyr* ("Edebiýat we sungat").

**JOŇKARMAKLYK** [joňkormokluk], *iş ady.* Joňkarmak ýagdaýy.

**JOŇKARMAZLYK** [joňkormozluk], *iş ady.* Joňkaryp oturmazlyk.

**JOŇKARTMAK** [joňkortmok], *işl., gepl. d.* Birini ýa-da bir zady getirip, dikgerdip oturtmak, gözüne görkezip goýmak. *Nädersiň, ony garşyňda joňkardaýsam!*

**JOŇKARYLMAK** [joňkorulmok], *işl.* Joňkaryp oturmak.

**JOŇKARYŞMAK** [joňkoruşmok], *işl.* Birnäçe bolup bile joňkaryp oturmak. *Guşlar şahada joňkaryşyp otyrdylar.*

**JOŇK-JOŇK**, *at.* **1**. *s. ş. aňl. söz.* Çagalaryň gopbamsyja ýöreýşiniň bir görnüşi. *Atajyk depder-kitaplaryny alyp, joňk-joňk edip, oglanlaryň öňüne geçdi* (A. Durdyýew). **2**. Çagalaryň üstüne eşiklerini ýapynyp, tanatmajak bolup oýnaýan oýnunyň ady, basyryndy. *Oglanjyk döwründe joňk-joňk oýnanlarynda, Aýnanyň donuny serpip gaçanyny gözüniň öňünden geçirdi* (B. Kerbabaýew).

**JOŇKULDABERMEK** [joňkulla:vermek], *işl.* Joňk-joňk edip ýöräp başlamak.

**JOŇKULDAMA** [joňkullomo], *iş ady.* Joňkuldamak hereketi.

**JOŇKULDAMAK** [joňkullomok], *işl.* Joňk-joňk edip ýöremek. *Çaga joňkuldap, atasynyň ýanyna bardy.*

**JOŇKULDAMAKLYK** [joňkullomokluk], *iş ady.* Joňkuldamak ýagdaýy.

**JOŇKULDAMAZLYK** [joňkullomozluk], *iş ady.* Joňkuldap ýöremezlik.

**JOŇKULDAŞMAK** [joňkulloşmok], *işl.* Birnäçe bolup, joňk-joňk edip ýöremek. *Jikjikiler joňkuldaşyp şahadan-şaha bökýärdiler.*

**JORA** [jo:ro], *at.* **1**. Biri-biri bilen dostluk gatnaşygyny saklaýan gyz ýa-da aýal, boýdaş. **2**. Oglana dakylýan at.

**JORALANMA** [jorolonmo], *iş ady.* Joralanmak ýagdaýy.

**JORALANMAK** [jorolonmok], *işl.* Yzy üzülmän syrygyp, jorlap akmak. *Olaryň oýluklaryndan we telpeklerinden suw joralanyp akýar.*

**JORALANMAKLYK** [jorolonmokluk], *iş ady.* Joralanmak ýagdaýy.

**JORALANMAZLYK** [jorolonmozluk], *iş ady.* Joralanyp akmazlyk.

**JORALANYBERMEK** [jorolonuvermek], *işl.* Joralanyp başlamak.

**JORALARÇA** [jo:rolorço], *at.* Jora ýaly bolup, boýdaşlarça. *Sen joralarça dogryňy aýt.*

**JORALYK** [jo:roluk], *at.* Joralaryň, boýdaşlaryň dostluk gatnaşygy, boýdaşlyk. *Olaryň joralygy has ýakynlaşdy.*

**JORAN** [joron], *at.* Towşanyň gatnaw edýän ýodasy, towşanyň ýöreýän ýodasy.

**JORAP** [jora:p], *at.* Aýakgabyň içinden aýaga geýilýän injige çenli uzynlykdaky örme önüm.

**JORAPÇIŞ** [jora:pçi:ş], *at.* Jorap, ellik örmek üçin ulanylýan çiş (*ser*. **Çiş**). *Mende ýedi sany jorapçiş bar.*

**JORK** [joruk], *at.* Lüýk, palçyk bolup ýatan ýer.

**JORKLUK** [jorukluk], *at.* Palçyk, lüýk, batga bolup ýatan ýer.

**JORKULDAMA** [jorkullomo], *iş ady.* Jorkuldamak ýagdaýy.

**JORKULDAMAK** [jorkullomok], *işl.* Jork, lüýk, jorkluk bolup ýatmak.

**JORKULDAMAKLYK** [jorkullomokluk], *iş ady.* Jorkuldamak ýagdaýy.

**JORKULDAMAZLYK** [jorkullomozluk], *iş ady.* Jorkuldap durmazlyk.

**JORKULDY** [jorkully], *at.* Jork-jork edip çykýan ses.

**JORLABERMEK** [jorla:vermek], *işl.* Jorlap akyp başlamak.

**JORLADYBERMEK** [jorladyvermek], *işl.* Jorladyp akdyryp başlamak.

**JORLAMA** [jorlomo], *iş ady.* Jorlamak ýagdaýy.

**JORLAMAK** [jorlomok], *işl., ser.* **Joralanmak**.

**JORLAMAKLYK** [jorlomokluk], *iş ady.* Jorlamak ýagdaýy.

**JORLAMAZLYK** [jorlomozluk], *iş ady.* Jorlap akmazlyk.

**JORLAŞMAK** [jorloşmok], *işl.* Birnäçe ýerden jorlap akmak. *Ýagyş suwlary ternawlardan jorlaşyp akýardylar.*

**JORLATMAK** [jorlotmok], *işl.* Jorladyp akdyrmak. *Turbadan suwy jorladyp akdyrdy.*

**JORRULDAMAK** [jorrullomok], *işl., ser.* **Jorlamak**.

**JORRULDY** [jorrully], *at.* Suw, suwuk zatlar güýçli, batly akanda, dökülende çykýan sesiň ady.

**JORT: jort atmak** birine göwnüýetmezçilik yşaratyny, hereketini etmek.

**JORTA** [jorto]**: jorta döwülmek (uçmak)** birden döwlüp, uçup, iki bölek bolmak. *Galamyň ujy jorta döwüldi. Pyçagyň ujy jorta uçdy.*

**JORTDURMAK** [jortdurmok], *işl.* Jortup, döwüp aýyrtmak.

**JORTMA** [jortmo], *iş ady.* Jortmak ýagdaýy.

**JORTMAK** [jortmok] **I**, *işl., gepl. d.* Kesip, çapyp, döwüp aýyrmak, gysgaltmak. *Çybygyň ujundan bir garyş ýalysyny jortup goýberdi.*

**JORTMAK** [jortmok] **II**, *at, gepl. d.* Ýogyndan gelen boýy kelte. *Ol bir jortmak adamdy.*

**JORTMAKLYK** [jortmokluk], *iş ady.* Jortmak işi.

**JORTMAZLYK** [jortmozluk], *iş ady.* Jortup aýyrmazlyk.

**JORTUBERMEK** [jortuvermek], *işl.* Jortup başlamak.

**JORTULMAK** [jortulmok], *işl.* Jort edip döwülmek. *Onuň ýazyp oturan galamynyň ujy jortuldy.*

**JORTUŞMAK** [jortuşmok], *işl.* Jortup aýyrmaga kömekleşmek.

**JOŞ** [jo:ş] **I**, *at* Semawaryň, güpüň, çaý gaýnadylýan kitiriň içinde emele gelýän kesmek. *Semawaryň içini joş baglapdyr.*

**JOŞ** [jo:ş] **II**, *at.* Ýüpek gurçuk tohumynyň jana giren döwründäki ady, jana giren ýüpek gurçuk tohumy. *Käbir pileçi gelin-gyzlar bäş grama çenli joş aldylar.*

**JOŞ** [jo:ş] **III: joş almak** *ser.* **Joş urmak 1.** *Ol işde barha joş alýar.* **Joş bermek** *ser.* **Joş urmak 1.** *Ýüregim joş berse, aklym jem bolsa, Pikir basar, gaýgy huşy ýandyrar* (Magtymguly). **2)** *ser.* **Joş urmak 3.** *Ýaňky iýen naharymyz indi joş berýär*. **Joş urmak 1)** has gujurlanmak, ylhamyň artmak, göwnüň göterilmek, joşmak, möwç almak. *Täze ýylda ylhamymyz täzeden joş ursun.* **2)** has güýjemek, ýokary göterilmek, möwç urmak, daşmak, joşmak (suw hakynda). *Jeýhun joşa gelip, kükräp akyp dur* (R. Seýidow). **3)** güýçli nahardan soň suwsamak. **Joşa gelmek** *ser.* **Joş urmak 1.** *Bu gün joşa geldi goja Mätäji* (A. Atabaýew).

**JOŞDURMAK** [jo:şdurmok], *işl.* Möwç urdurmak, suwuny daşdyrmak. *Deryýany ygal suwlary joşdurýar.*

*Nazaryň ýylgyryp duran suraty ony öňküden-de beter joşdurdy* (B. Pürliýew).

**JOŞDURYBERMEK** [jo:şduruvermek], *işl.* Joşduryp başlamak.

**JOŞGUN** [jo:şğun], *at.* **1**. Derýada suwuň köpelip daşmagy, möwç urmagy, daşgyn. *Ygallyk ýyllarda şonuň ägirt derýa ýaly dolup akýany, tä siliň joşguny ýatýança iki aranyň gatnawyny kesýäni göz öňüne gelýärdi* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Güýçli duýgy, hyjuw, möwç. *Uly joşgun bilen söz sözlemek.*

**JOŞGUNLY** [jo:şğunly], *syp.* **1**. Möwç urýan, daşgynly, güýçli, batly (suw hakynda). *Joşgunly suwuň bütin töweregi deňze aýlandyrany heniz hem meniň gözümiň öňünden gidenok* (B. Kerbabaýew). **2**. *göç.m.* Joş urýan, ylhamly, hyjuwly. *Täze ýylda-da halallyk bilen joşgunly zähmet miýesser etsin* ("Türkmenistan").

**JOŞGUNLYLYK** [jo:şğunluluk], *at.* **1**. Möwç urujylyk, daşgynlylyk, güýçlülik (suw hakynda). **2**. *göç.m.* Möwç urýanlyk, ylhamlylyk, hyjuwlylyk. *Ýüregiň joşgunlylygynda galam asgynlyk edermi?* (G. Kulyýew).

**JOŞMA** [jo:şmo], *iş ady.* Joşmak ýagdaýy.

**JOŞMAK** [jo:şmok], *işl.* **1**. Möwç urmak, suw kenardan agmak, suwy köpelip daşmak. *Derýa joşdy.* **2**. *göç.m.* Suw islemek, suwsamak, joş bermek (güýçli nahardan soň). **3**. *göç.m.* Jomartlyk, sahylyk etmek, eçilmek. *Joşan mahalyna sataşsaň, saňa bir teňňe-iki teňne berer* ("Görogly"). **4**. *göç.m.* Ruhubelent ýagdaýda josgun bilen söz sözlemek, geplemek, yazmak.

**JOŞMAKLYK** [jo:şmokluk], *iş ady.* **1**. Joşmak ýagdaýy. **2**. *göç.m.* Jomartlyk, sahylyk etmek ýagdaýy.

**JOŞMAZLYK** [jo:şmozluk], *iş ady.* **1**. Möwç urmazlyk, daşmazlyk. **2**. *göç.m.* Sahylyk, jomartlyk etmezlik.

**JOŞUBERMEK** [jo:şuvermek], *işl.* **1**. Joşup, möwç urup başlamak. **2**. *göç.m.* Jomartlyk, sahylyk edip başlamak.

**JOŞURMAK** [jo:şurmok], *işl., ser.* **Joşdurmak**.

**JOTDA** [jotdo], *syp., gepl.d.* **1**. Kelte, gysga. *Ol jotda sakgalyny gysymlap, öýlerine tarap okduryldy* (B. Gulow).

**JOWAHYR** [jowa:hyr], *at, kön.s., ser.* **Jöwher**. *Özüm Tahyr, meniň atamdyr Bahyr, Agyr bezirgenem, köpdür jowahyr* ("Zöhre – Tahyr"). *Jowahyr gymmatly, göwher parasy, Ýar aýlansyn seniň nerkes gözüňden* (Kätibi).

**JOWRANDYRMAK** [jowronnurmok], *işl.* **1**. Ýiti agyra sezewar edip awundyrmak. *Aýagyna demir bilen urup jowrandyrdy*. **2**. *göç.m.* Agyr ýitgä, horluga we ş.m. duçar edip gynandyrmak. *Ölüm-ýitimli maşyn heläkçiligi ony jowrandyrdy.* **3**. Zeýrendirmek. **4**. *göç.m.* Çürkemek, kösemek. *Ol wagtynda gelmän, meni köp jowrandyrdy.*

**JOWRANMA** [jowronmo], *iş ady.* Jowranmak ýagdaýy.

**JOWRANMAK** [jowronmok], *işl.* **1**. Ýiti agyry zerarly awunmak. **2**. *göç.m.* Agyr ýitgi, horluk we ş.m. zerarly gynanmak, ýanyp-bişmek. *Aşakdaky sözleri, Ýazýar Anna jowranyp* (A. Alamyşow). **3**. Zeýrenmek. **4**. *göç.m.* Ýanyp-bişip käýinmek, zeýrenmek.

**JOWRANMAKLYK** [jowronmokluk], *iş ady.* Jowranmak ýagdaýy.

**JOWRANMAZLYK** [jowronmozluk], *iş ady.* Awunmazlyk, kösenmezlik, ýanyp-bişmezlik, zeýrenmezlik.

**JOWRANYBERMEK** [jowronuvermek], *işl.* Jowranyp başlamak.

**JOWRANYŞMAK** [jowronuşmok], *işl.* Agyry, ýitgi, horluk we ş.m. sebäpli köseni şmek, jibrinişmek, zeýrenişmek.

**JOWTAR** [jowta:r], *syp., ser.* **Jowur.** *Ol zordan ýylgyrýan ýaly jowtar ak dişlerini görkezdi-de, ýene öz elindäki kitapjagazy bilen gümra boldy* (A. Geldiýew).

**JOWUR**, *syp.* Ap-ak, ýalpyldap duran ak (diş we ş.m. hakynda). *Onuň jowur ak dişleri bar.*

**JOÝA** [jo:ýo], *at.* **1**. Gök ekinleri hatarlap ekmek üçin gumy iki tarapyna çykarylyp gazylýan ýalpak ýapjagaz. *Iki joýanyň arasyny tapyşdyryp barýan biýaranyň içinde her hili gawunlar serlişip ýatyr* (B. Kerbabaýew). **2**. *gepl. d.* Maňlaýda, ýüzde we ş.m. ýerlerde emele gelýän ýygyrdyň, gasynyň oý ýeri.

**JOÝAÇYLYK** [jo:ýoçuluk], *at, ser.* **Joýalyk**. *Joýaçylygyň ýeňse gyrasynda dört sany çatma ýere ýapyrylyp otyrdy* (B. Kerbabaýew).

**JOÝA-JOÝA** [jo:ýo-jo:ýo], *syp.* Köp sanly joýadan ybarat. *Joýa-joýa gawun biýaralaryna gözüň gidýär.*

**JOÝAJYK** [jo:ýojuk], *at.* Kiçijik joýa. *Kakasynyň gazýan joýalaryny görüp, ogly-da joýajyk gazyp başlady.*

**JOÝALABERMEK** [jo:ýola:vermek], *işl.* Joýa edip başlamak.

**JOÝALAMA** [jo:ýolomo], *iş ady.* Joýalamak ýagdaýy.

**JOÝALAMAK** [jo:ýolomok], *işl.* Joýa çekmek, joýa gazmak.

**JOÝALAMAKLYK** [jo:ýolomokluk], *iş ady.* Joýalamak işi.

**JOÝALAMAZLYK** [jo:ýolomozluk], *iş ady.* Joýa etmezlik.

**JOÝALANMAK** [jo:ýolonmok], *işl.* Joýa edilmek, joýa gazylmak. *Joýalanan ýerlere suw tutdular.*

**JOÝALAŞMAK** [jo:ýoloşmok], *işl.* Joýa gazmaga, joýalamaga kömek etmek. *Oglanlar burç ekiljek ýerleri joýalaşdylar.*

**JOÝALATDYRMAK** [jo:ýolotdurmok], *işl.,ser.* **Joýalatmak**.

**JOÝALATMAK** [jo:ýolotmok], *işl.* Joýa gazdyrmak. *Käşir, kelem ekiljek ýerleri joýalatdylar.*

**JOÝALAÝYŞ** [jo:ýoloýuş], *iş ady.* Joýalamak ýagdaýy.

**JOÝALYK** [jo:ýoluk], *at.* Joýanyň köp ýeri; joýa gazylyp ekin ekilen ýerler. *Ýabyň gaýrasy giden joýalykdy.*

**JOZZUK**, *syp.* Ýüzüniň gany damaýyn diýip gyzaryp duran, semiz, gyzyl ýüzli. *Olaryň arasynda ýüzi jozzuk adam aýratyn bolup göze ilýärdi* (N. Saryhanow).

**JÖGI** [jö:ğü], *syp.* Jany sag halyna özüni ýarawsyz görkezip, işden gaça durýan adam. *Gören diýýär maňa hilegär jögi, Beý diýmäň, ýetikdir işim, wah-wah-ýeý* (Ç. Gurbangylyjow).

**JÖGÜÇILIK** [jö:ğüçülük], *ser.* **Jögülik**.

**JÖGÜLIK** [jö:ğülük], *at.* Jögi bolmaklyk, jöginiň gylygy.

◊ **Jögülik etmek** jögüsiremek. **Jögülige salmak** *ser.* **Jögülik etmek**. *Ol-a jögülige salyp, özünden giden kişi bolup başlady* (B. Seýtäkow).

**JÖGÜSIREME** [jö:ğüsürömö], *iş ady.* Jögüsiremek ýagdaýy.

**JÖGÜSIREMEK** [jö:güsürömök], *işl.* Jögi bolan bolmak, hilegärlik etmek, mekirsiremek.

**JÖGÜSIREMEKLIK** [jö:güsürömöklük], *iş ady.* Jögüsiremek ýagdaýy.

**JÖGÜSIREMEZLIK** [jö:güsürömözlük], *iş ady.* Jögüsiräp durmazlyk.

**JÖGÜSIREŞMEK** [jö:güsüröşmök], *işl.* Birnäçe bolup jögüsiremek.

**JÖGÜSIRÄBERMEK** [jö:güsürä:vermek], *işl.* Jögüsiräp başlamak.

**JÖHIT** [jöhüýt], *at.* **1**. *gepl.d.* Ýewreý, musaýy. **2**. *göç.m.* Husyt, gysganç, gysyk.

**JÖHITLIK** [jöhüýtlük], *at.* Husytlyk, gysgançlyk, gysyklyk.

**JÖW**, *at, k. d.* Arpa. *Agyr baha älemni alty jöwge almazmen, Dost kaýsy, duşman kaýsy, parhyn ede bilmezmen* (Magtymguly).

**JÖWEN** [jöwön], *at, ösüml. d.* **1**. Uzyn boýly, çiňrik görnüşli, insiz uzyn ýaprakly ösümlik. **2**. Şu ösümligiň galla hökmünde peýdalanylýan dänesi.

◊ **Jöwen hamyry ýaly** gowşak, çala başygowşan, emelsiz (adam barada).

**JÖWENEK** [jöwönök], *at.* Togalajyk buz görnüşinde ýagýan ygalyň bir görnüşi. *Öýlänler jöwenek gatyşykly ýagyn başlady.*

**JÖWENLIK** [jöwönlük], *at.* Jöweniň köp ekilen ýeri. *Jöwenlikleriň ýokarsynda entek serçe sürüleri güsürdeşip uçýardy* ("Edebiýat we sungat").

**JÖWHER** [jöwhör], *at.* **1**. Gymmat baha daş, göwher. **2**. *gepl.d.* Solmazak boýag, reňk. **3**. *göç.m.* Kesgir, ýiti; parasatly. *Jöwher akylyňyza haýran galýaryn.* **4**. Oglana dakylýan at.

**JÖWLAN** [jöwla:n]: **jöwlan urmak** eýläk-beýläk urunmak. *Jan hem jöwlan urar çykmaga tenden* (Magtymguly). *Ýaka ýyrtyp, dat edip, Jöwlan urdum gygyryp* (B. Kerbabaýew).

◊ **Gözüňe jöwlan oky** at çapdyryp barýan atlynyň atan oky gözüňe degsin (gözi degegen adamyň gözi deger öýdülende aýdylýar).

**JÖWŞEN** [jöwşön], *at, kön.s.* Polat simden örülen gadymy uruş geýimi, sowut, demir don. *Jüpbe, jöwşen, zere-sowut, Keserli gylyç, arap at* (Magtymguly).

**JÖWZA** [jöwza:], *at.* Tomsuň ýangynly, epgekli yssysy. *Tomsuň jöwzasy*.

**JUDA** [juda:], *köm. s.* **1**. Düýbünden, halys. *Juda sowalgaň bolmasa, geläý, kömek ederin. Juda adam tapmasam, sen maňa ýoldaş bolmaly bolarsyň.* **2**. Çendenaşa, has, örän, gaty. *Juda gowy zat*.

◊ **Juda bolmasa** hiç hili alaç, çäre tapylmadyk ýagdaýynda, iň bolmanda.

**JUGARY** [juğory], *at, kön.s.* Jöwen. *Jugary aýtdy: "Owwal men barur men, Boýum uzyn, sakgalym ak erur men"* (Gaýyby).

**JUGRA** [juğro], *syp., kön.s.* Goşa, jübüt. *Eýa dilber, jemalyňda jugra hallar mesgeni, Zybanynda şeker ezgen, dahanda ballar mesgeni* (Magtymguly).

**JUGRAFIÝA** [jugra:fyýa], *ser., kön. s.* **Geografiýa**. *Dördüm jugrafiýa kitaplaryny* (K. Gurbannepesow).

**JUGUR** [juğur], *at.* **1**. *zergärç.* Saça dakylýan gupba şekilli, gyralary şelpeli ýa-da düwmeli kümüş şaý. **2**. Jar döwlenden soň, elekden geçmän galan däne gatyşykly baş, bogun.

**JUGURDABERMEK** [juğurda:vermek], *işl.* Jugurdyly ses çykyp başlamak.

**JUGURDAMA** [juğurdomo], *iş ady.* Jugurdamak ýagdaýy.

**JUGURDAMAK** [juğurdomok], *işl.* Jugur-jugur edip ses çykarmak. *Turbada suw jugurdaýardy.*

**JUGURDAMAKLYK** [juğurdomokluk], *iş ady.* Jugurdamak ýagdaýy.

**JUGURDAMAZLYK** [juğurdomozluk], *iş ady.* Jugurdyly ses çykarmazlyk. *Içi jugurdamak*.

**JUGURDAŞMAK** [juğurdoşmok], *işl.* Şol bir wagtyň içinde bir näçe ýerden jugurdyly ses çykmak.

**JUGURDATMAK** [juğurdotmok], *işl.* Jugurdyly, jugur-jugur edýän ses çykartmak. *Ol oglan utan aşyklaryny eteginde jugurdadyp otyrdy.*

**JUGURDY** [juğurdy], *at.* Içegelerde, turbalarda suwuklygyň süýşmegi, akmagy ýa-da ownuk jäjek, süňk, daş ýaly zatlaryň biri-birine degmegi netijesinde emele gelýän sesiň ady. *Içegeleriň jugurdysy artdy.*

**JUGURDYLY** [juğurdyly], *syp.* Jugurdaýan, jugur--jugur edýän.

**JUGUR-JUGUR** [juğur-juğur], *s. ş. aňl. söz.* Içegelerde, turbalarda suwuk zadyň süýşmegi, akmagy ýa-da ownuk zatlaryň biri-birine degmegi netijesinde emele gelýän ses.

**JUK**, *s. ş. aňl. söz.*"Ýok" diýen manyny aňladýar.

**JUKGULDABERMEK** [jukgulla:vermek], *işl.* Jukguldyly ses çykaryp başlamak.

**JUKGULDAMA** [jukgullomo], *iş ady.* Jukguldamak ýagdaýy.

**JUKGULDAMAK** [jukgullomok], *işl.* Jukguldyly ses çykarmak. *Bagşynyň aýdymlarynda jukguldamagyň ýokary ussatlygyny eşitmek mümkin*.

**JUKGULDAMAZLYK** [jukgullomozluk], *iş ady.* Jukguldyly ses çykarmazlyk, juk-juk etmezlik.

**JUKGULDAŞMAK** [jukgulloşmok], *işl.* Ýerli--ýerden jukguldamak. *Bu habary eşidip, oturanlaryň köpüsi jukguldaşdylar.*

**JUKGULDATMAK** [jukgullotmok], *işl.* Jukguldyly ses çykartmak.

**JUKGULDY** [jukgully], *at.* Türkmen aýdymy aýdylanda, bagşylaryň bokurdaklarynda gaýnadyp, owaz döretmek arkaly emele getirýän juk-juky, jukguldyly sesiň ady. *Bagşynyň jukguldysy hem gelip durdy* (B. Kerbabaýew).

**JUKGULDYLY** [jukgulluly], *syp.* Jukguldysy bar bolan. *Bagşylaryň köpüsi aýdymlary jukguldyly aýdýarlar.*

**JUKGULDYSYZ** [jukgullusuz], *syp.* Jukguldysy bolmadyk.

**JUK-JUK I**, *üml.* Gynanjy, nägileligi, haýran galmagy we ş.m. aňladýar.

**JUK-JUK II**, *s. ş. aňl. söz.* Halk aýdymyny aýdanda, bagşynyň ýerine ýetiriş äheňindäki özboluşly jukguldyly sesler. *Maňa bagşynyň juk-juky aýratyn ýarady.*

**JUK-JUKLAMAK** [juk-juklomok], *ser.* **Juk-juk etmek**.

◊ **Juk-juk etmek 1)** ökünmek, gynanmak. *Onuň soňky eden juk-juky peýda etmedi*. **2)** *ser.* **Jukguldamak**.

**JUL**, *at.* **1**. Atyň, tazynyň üstüne ýapylýan ýapynja, basyryk. *Ol onuň endamyny içirgi bilen süpürdi, jul salman, çyplak eýerledi* (B. Kerbabaýew). **2**. *gepl.d.* Egin-eşik, geýim. *Juluň köne bolsa, adyň tutulmaz, Her ýigidi serhoş eden mal bolar* (Dosmämmet).

◊ **Juldan çykmak** lüt galmak, juda garyp düşmek. **Juldan çykýançaň gidişmek** bir ýüzli bolýançaň gidişmek. **Juluny ters salmak** biriniň işini görmek, heläkçilige salmak, bagtyny ýatyrmak.

**JULK: julk bolmak** içen çaýyň, suwuň artyk düşmek, gerk-gäbe bolmak. **Julkuny çykarmak** suwa salma ýenjip, urup, ysgyn-ragbaty galmaz ýaly etmek. **Julkuň çykmak** *ser.* **Julk bolmak**.

**JULKULDABERMEK** [julkulla:vermek], *işl.* Julkuldap başlamak.

**JULKULDAMA** [julkullomo], *iş ady.* Julkuldamak ýagdaýy.

**JULKULDAMAK** [julkullomok], *işl.* Julkuldyly ses çykarmak.

**JULKULDAMAZLYK** [julkullomozluk], *iş ady.* Julk-julk etmezlik.

**JULKULDATMAK** [julkullotmok], *işl.* Julkuldyly ses çykartmak.

**JULKULDY** [julkully], *at.* Garynda ýa-da gapda suwuklyk çaýkananda çykýan sesiň ady.

**JUMA** [juma:], *at.* **1**. Musulman ýurtlarynda hepdäniň bäşinji gününiň ady; anna. **2**. Oglana dakylýan at.

◊ **Juma (jumga) namazy** musulmanlaryň her anna gününde metjide ýygnanyp, jem bolup okaýan namazy.

**JUMADYLAHYR** [juma:dyla:hyr], *at.* Hijri--kamary ýyl hasaby boýunça altynjy aýyň ady.

**JUMADYLOWWAL** [juma:dylowwol], *at.* Hijri--kamary ýyl hasaby boýunça bäşinji aýyň ady.

**JUMAG** [juma:ğ]: **jumag etmek** ýanaşma, jyns gatnaşygyny etmek. *Lukman Hekimiň pikiriçe, adama dört närse zyýan ýetirýär; köp sözlemek, köp ýatmak, köp iýmek hem-de kän jumag etmek* ("Saglyk").

**JUPAR** [jupor], *at.* Boýy bir garyşdan uzynrak köpýyllyk ýabany ösümlik.

**JURGA** [jurğo], *at, kön. s.* Ýuwdum, damja. *Bir jurgadan kyrk aşyk gandyrdygym bilmezmiň?* (Magtymguly).

**JURGA-JURGA** [jurğo-jurğo], *at, kön.s.* Köp damja, damja-damja. *Jurga-jurga gan akar, gözlerim dynmaz, gelin* (Kemine).

**JUT** [ju:t], *at.* Baldaklaryndan irimçik süýüm alynýan kenebe meňzeş uzyn baldakly ösümlik.

**JUTAR** [ju:ta:r]: **ak jutar** örän ak, ap-ak (*ser.* **Jowtar** we **Jowur**.). *Ak köýneklije oglan bolsa dürli gülleriň arasynda, kebelek kimin gaýmalap, ak juwtar gülleri çöpleýärdi* (N. Pomma).

◊ **Jutar ýaly** arassa, ap-arassa. *Ýuwan köýnegim-ä jutar ýaly boldy*.

**JUW** [ju:w], s.ş.aňl.söz. Ok atylanda çykýan ses.

**JUWAN** [juwa:n], *syp.* Ýaş, jahyl, ýetişen. *Gözel gyzlar, juwan gyzlar, Gül ýüzli, hoş zyban gyzlar* (M. Seýidow). *Beýlekisi derek boýly, Juwan ýaşly, gözel ýigit* (G. Ezizow).

**JUWANBAZ** [juwa:nma:z], *at, gepl.d.* Juwany gowy görýän. *Saňa nirde bir Harmandäli ýaly juwan barka diýip gözläp ýören juwanbaz diýerler* ("Görogly").

**JUWANLYK** [juwa:nlyk], *at.* Ýaşlyk, jahyllyk, ýigitlik. *Juwanlyk ýyllarym.*

**JUWAZ** [juwa:z], *at.* Künjüden we beýleki käbir ösümlik çigidinden ýag edýän ýönekeý abzal. *Babajan-a bir kişi, Elinde demir çişi, Juwaz aýlap, ýag alsa, Bolar jahyllar başy* (Hüwdi).

◊ **Juwaz sokusy ýaly** gysga boýly, semiz, togalak (adam hakynda). **Gözünde juwaz aýlamak** *ser*. **Göz**. *Şu ýaramaz gylygyňy goýmasaň, indiden beýläk gözüňde juwaz aýlaryn*.

**JUWAZÇY** [juwa:zçy], *at.* Juwaz eýesi, juwazda ýag çykarýan adam, juwazy işledýän adam. *Şol juwazçy ýetim oglan, Öz ýaryna ýetdi, kempir* (K. Gurbannepesow).

◊ **Juwazçyň erkegi ýaly** bir ýerde oýkanyp duran, gözi daňlan ýaly hiç ýere gidip bilmeýän (adam hakynda).

**JUWAZÇYLYK** [juwa:zçylyk], *at.* Juwazçynyň käri, hünäri.

**JUWAZÝAG** [juwa:zýa:ğ], *at.* Juwazda çykarylýan ýag. *Palawa juwazýag gowy bolýar.*

**JUWLABERMEK** [juwla:vermek], *işl.* Juwlap ses çykyp başlamak.

**JUWLAMA** [juwlomo], *iş ady.* Juwlamak ýagdaýy.

**JUWLAMAK** [juwlomok], *işl.* Juw-juw edip seslenmek (atylan okun sesi hakynda). *Bäşataryň oklary juwlap geçdiler* (A. Gowşudow).

**JUWLAMAKLYK** [juwlomokluk], *iş ady.* Juwlamak ýagdaýy.

**JUWLAŞMAK** [juwloşmok], *işl.* Atylýan oklardan juwwuldyly sesler çykmak. *Üstümizden oklar juwlaşyp geçýärdi.*

**JUWWAR** [juwwa:r], *syp., gepl. d., ser.* **Jowur**. *Golaýrajyk bar ýanyna, Juwwar akdyr sakgal-murty* (Ç. Aşyrow).

**JUWWULDAMAK** [juwwullomok], *işl., ser.* **Juwlamak**.

**JUWWULDAŞMAK** [juwwulloşmok], *işl., ser.* **Juwlaşmak**.

**JUWWULDATMAK** [juwwullotmok], *işl., ser.* **Juwlatmak**.

**JUWWULDY** [juwwully], *at.* Gülle, ok we ş.m. atylanda çykýan sesiň ady.

**JÜBBE** [jüpbö], *at, kön. s., ser*. **Jüpbe**. *Çigin guşly jübbe ton bergil oglana, Geýer bolsun hünärlidir* ("Gorkut ata").

**JÜBI** [jüvü], *at.* Ownuk-uşak zat salmak üçin geýime tikilýän kise, haltajyk.

◊ **Jübä girmek** biriniň jübüsine eliňi sokup, içindäki puluny, gymmatbaha zatlaryny ogurlamak. **Jübä urmak** kişiniň hakyny iýmek, kişi emlägini ogurlamak. **Jübi kesmek** ogurlyk etmek. **Jübiňde it uwlamak** harjysyz galmak, gara şaýyň bolmazlyk. **Jübiňe bat bermek** baýlygyňa, puluňa daýanmak. **Jübiňi agraltmak** puluňy köpeltmek, pully bolmak.

**JÜBÜJIK** [jüvüjük], *at.* Kiçijik jübi.

**JÜBÜKESER** [jüvükeser], *at, gepl. d.* Ogry, jübä girýän.

**JÜBTEK** [jüvtök], *at.* **1**. Malyň ýarasyna düşen gurtlary gurdamak üçin ulanylýan demir esbap. *Onuň guşagynda goýun gurdalýan jübtegi asylgydy* ("Edebiýat we sungat"). **2**. *zergärç s.* Kümüş ussaçylygynda şaý-sepler ýasalanda, bejerilende ownuk böleklerini: gaşöýlerini, gulaklaryny, göbeklerini, ters halkalaryny gapjap tutmak üçin ulanylýan kiçijik iki sally demir enjamy.

◊ **Agzy jübtek ýaly** kiçijik agyzly, agzy kiçijik.

**JÜBTEKLEME** [jüvtöklömö], *iş ady.* Jübteklemek ýagdaýy.

**JÜBTEKLEMEK** [jüvtöklömök], *işl.* Jübtek bilen ýolmak, jübtek bilen ýolup aýyrmak; jübtek bilen gurdamak, gurduny aýyrmak.

**JÜBTEKLEMEZLIK** [jüvtöklömözlük], *iş ady.* Jübtek bilen ýolup aýyrmazlyk.

**JÜBTEKLETMEK** [jüvtöklötmök], *işl.* Jübtek bilen ýolduryp aýyrtmak.

**JÜBTEKLÄBERMEK** [jüvtöklä:vermek], *işl.* Jübtek bilen ýolup başlamak.

**JÜBÜLIK** [jüvülük], *syp.* Jübi etmek üçin bölek mata.

**JÜBÜT** [jüvüt], *syp.* **1**. Bitaý däl, taýly. *Jübüt gulakhalka.* **2**. Iki, goşa, jüp. *"Assa gaçan namart, guşguna bereket" – diýip, ýorga bir jübüt gamçy urdy* ("Nejep oglan"). **3**. *gepl.d.* Biri-birine mynasyp, taý.

◊ **Jübütmi – täk** şänik we şuňa meňzeş zatlary gysymyňda saklap: "Elimdäki goşamy ýa-da täkmi, bil!" diýlip oýnalýan oýun.

**JÜBÜTLEME** [jüvütlömö], *iş ady.* Jübütlemek ýagdaýy.

**JÜBÜTLEMEK** [jüvütlömök], *işl.* Jübüt-jübüt etmek, goşa-goşadan goýmak, iki-ikiden etmek ýa-da sanamak. *Ol aşygyny jübütläp sanady*.

**JÜBÜTLEMEKLIK** [jüvütlömöklük], *iş ady.* Jübütlemek ýagdaýy.

**JÜBÜTLEMEZLIK** [jüvütlömözlük], *iş ady.* Jübüt-jübüt goýmazlyk.

**JÜBÜTLENMEK** [jüvütlönmök], *işl.* **1**. Jübüt-jübüt goýulmak. **2**. *gepl.d.* Birigip durmuş gurmak. *Aýlar-günler aýdym bilen aýlansyn, Juwanlarmyz jübütlensin – öýlensin* (B. Hudaýnazarow).

**JÜBÜTLEŞMEK** [jüvütlöşmök], *işl.* **1**. Jübüt-jübüt goýmaga kömekleşmek. **2**. *gepl.d.* Gyz, oglan birleşip, durmuş gurmak. **3**. Jübüt bolup birigişmek (guşlaryň birleşýän wagty hakynda).

**JÜLGE** [jülğö], *at.* **1**. Iki dagyň uzalyp gidýän giň aralygy. *Ak lybasdan çykar gojaman daglar, Şaglap, jülgesinde akar bulaklar* (A. Kekilow). **2**. Derýanyň peselip we uzalyp gidýän iki ýan kenary hem-de töweregi. *Gökdere jülgesi.*

**JÜLGELI** [jülğölü], *syp.* Jülgesi bar bolan. *Jülgeli gara daglar, Bulut büräp başyny, Gadym zamandan galan, Bilip bolmaz ýaşyny* (A. Alamyşow).

**JÜLGELIK** [jülğölük], *at.* Jülgäniň ýerleşýän ýeri.

**JÜLGESIZ** [jülğösüz], *syp.* Jülgesi bolmadyk, jülgesi ýok.

**JÜLJÜL**, *at.* **1**. Toýundan edilip gyzgyn peçde bişirilip ýasalýan gadymy saz guraly. **2**. Ýuka galaýydan, agaçdan we ş.m. ýasalan çagalaryň üfläp çalýan oýnawajy, jürlewük.

**JÜLLIKGÖTEN** [jüllüýkgötön]: **jüllikgöten goýmak (galdyrmak)** hiç zatsyz goýmak, zatsyz galdyrmak.

**JÜLP-JÜLP**, *s. ş. aňl. söz.* Kiçijik zatlar suwa böküp girende ýa-da gaçanda çykýan sesler.

◊ **Jülp-jülp etmek** jülpüldemek. *Gurbagalar jülp-jülp edişip, suwa bökdüler.*

**JÜLPÜLDEME** [jülpüllömö], *iş ady.* Jülpüldemek ýagdaýy, hereketi.

**JÜLPÜLDEMEK** [jülpüllömök], *işl.* Suwa çümüp ýa-da suwa düşüp jülpüldili ses çykarmak, jülp-jülp etmek. *Ol suwuň içi bilen jülpüldäp barýardy*.

**JÜLPÜLDEMEKLIK** [jülpüllömöklük], *iş ady.* Jülpüldemek ýagdaýy.

**JÜLPÜLDEMEZLIK** [jülpüllömözlük], *iş ady.* Jülp-jülp etmezlik.

**JÜLPÜLDEŞMEK** [jülpüllöşmök], *işl.* Bilelikde jülpüldemek. *Adamlar jülpüldeşip, suwuň içi bilen ädimleýärdiler* (A. Gowşudow).

**JÜLPÜLDETMEK** [jülpüllötmök], *işl.* Jülpüldili ses çykartmak. *Çagalar jülpüldedip, suwa daş oklaýardylar.*

**JÜLPÜLDI** [jülpüllü], *at.* Suwuň içine daş we ş.m. zyňlanda, suwdan çykýan sesiň ady. *Suwuň jülpüldisi diýseň enaýydy.*

**JÜME** [jümö], *at.* Awçylaryň çeşme, suw başynda çöp-çalamdan gurýan bukusy. *Awçy käkilik inýän çeşmäniň başynda jüme gurundy*.

**JÜMELEK** [jümölök], *at.* Şaýly saçbag. *Arkasynda jümelek şaňňyrdaýar.*

**JÜMJÜME** [jümjümö], *at.* Düýbi kösüklije, uzyn baldakly, owadan melewşe gülli otjumak ösümlik. *Töweregimde gülälekmidir jümjümeler açylyşyp otyr* (N. Baýramow).

**JÜMLE** [jümlö], *at.* **1**. Sözlem. *Onuň her jümlesinde çuňňur many bardy.* **2**. *k. d.* Hemme, ähli, bütin, külli. *Aşyk bolup, jümle saňa, Älem geda, men hem geda* (Gaýyby).

**JÜMLE-JAHAN** [jümlö-jahan], *at.* Bütin ýer ýüzi, hemme ýurt, ähli ýer, älem-jahan, älem. *Ýandyryp, köýdürip jümle-jahany, Geler Zöhre janym, gamgyn olmagyl* ("Zöhre – Tahyr").

**JÜMMÜŞ**, *at.* Bir ýeriň, döwrüň ortasy; märekäniň arasy, içi ýa-da bir zadyň merkezi, bol ýeri.

**JÜMRI** [jümrü], *at.* **1**. *kön. s.* Asylsyz, pes adam. *Göwsüň üstündäki nedir ýumrular? Ýap üstün, görmesin jahyl, jümrüler* (Şabende). **2**. Ogry. *Ogram däldi, jümrem däldi, Dommal bilen ýüzüp gelen* (Ş. Borjakow).

**JÜMRÜLIK** [jümrülük], *at.* Ogry bolmaklyk, ogrulyk. *Sen bidöwlet oglany ogurlykda görsem öldürmesem, jümrülikde görsem öldürmesem, Soltanesen adym ite dakylsyn!* ("Nejep oglan").

**JÜMŞÜLDEME** [jümşüllömö], *iş ady.* Jümşüldemek ýagdaýy.

**JÜMŞÜLDEMEK** [jümşüllömök], *işl.* Endamyňa tiken çala çümdürilýän ýaly duýulmak, endamyň tikeneklemek, jümşüldi peýda bolmak. *Bu duýdansyz gelen habara onuň endam-jany jümşüldedi, ýüregi sarsyp gitdi.*

**JÜMŞÜLDEMEZLIK** [jümşüllömözlük], *iş ady.* Jümşüldi peýda bolmazlyk.

**JÜMŞÜLDEŞMEK** [jümşüllöşmök], *işl.* Endam-janyna tiken çala çümdürilen ýaly bolup durmak, endam-janyň tikeneklemek.

**JÜMŞÜLDETMEK** [jümşüllötmök], *işl.* Endamyňda jümşüldi döretmek, endama tikenek çala çümdürilýän ýaly etmek, endamyny tikenekletmek. *Alaşa golaý gelip kişňände, Aşyryň endamyny jümşüldetdi* (B. Kerbabaýew).

**JÜMŞÜLDEÝIŞ** [jümşüllöýüş], *iş ady.* Jümşüldemek ýagdaýy.

**JÜMŞÜLDÄBERMEK** [jümşüllä:vermek], *işl.* Jümşüldäp başlamak.

**JÜMŞÜLDI** [jümşüllü], *at.* Ýaramaz täsir netijesinde tutuş göwräň tikenekläp gitmegi bilen ýüze çykýan duýgy. *– Myrat! – diýip çykan ses onuň endamynda jümşüldi döretdi* (B. Pürliýew).

**JÜNBÜŞ** [jünmüş / jünvüş], *at, k.d.* Hereket, gymyldy.

◊ **Jünbüş eýlemek** hereket etmek, gymyldamak. *Zemin jünbüş eýläp, oldy lerzana, Çöller-düzler çeke bilmez bu derdi* (Magtymguly). *Asman jünbüş eýläp, lerzana galar* (Mollanepes). *Asman joşa gelip, ýagmyr ýagyp, zemin jünbüş eýlän dek bolýar* ("Nesil").

**JÜNEKEÝ** [jünököý], *at.* Ördekler maşgalasyndan bolan kiçiräk suw guşy.

**JÜŇK: ýüregiňe jüňk bolmak** berlen jogapdan kanagatlanmak, makul bilmek, ýüregiňden turmak, maňzyňa oturmak.

**JÜP**, *syp., gepl. d., ser*. **Jübüt**. *Iki jüp ädik.*

◊ **Jüp basmak 1)** iki aýagyň ökjesini biri-birine degrip, daraklygyň arasyny açybrak basyp durmak. *Ýigit gaýtadan aýagyny jüp basyp, jogap berdi* (G. Kulyýew). **2)** dar ädimläp ýöremek. *Jüp basan aýajyklaryňdan!* (Kemine). **Jüpüne düşmek** şowuna düşmek, kynçylyksyz gutarmak, oňuna bolmak. *Dogry aýdýarsyň, ýaşuly, türkmeniň ol nakyly tüýs bir jüpüne düşen zat eken* (N. Pomma).

**JÜPBE** [jüpbe], *at.* Giň we uzyn tikilen don. *Ussa Jepbar işi, senjap jüpbesi, Yspyhanda gurlan ýaýy gözel sen* (Magtymguly).

**JÜPDEK** [jüpdök], *at, ser*. **Jübtek**.

**JÜPLEME** [jüplömö], *iş ady.* Jüplemek ýagdaýy.

**JÜPLEMEK** [jüplömök], *işl.,gepl.d.* Jübüt, goşa etmek, jübütlemek. *Jüplenen barmaklaryny maňlaýyna goýup, ep-esli wagt böwrüni diňledi.*

**JÜPLEMEKLIK** [jüplömöklük], *iş ady.* Jübütlemeklik, goşa-goşadan etmeklik.

**JÜPLÄBERMEK** [jüplä:vermek], *işl.* Jübüt-jübüt goýup başlamak.

**JÜR I**, *syp.* Öz işine gaýym, pugta, hüşgär, sak, hakyna gaýym. *Işiňe jür bolmak.*

◊ **Jürüni dikmek** işini görmek, işini gaýtarmak. *Meniň jürümi diken seniň eden nädogry hereketleriň dälmidi?*

**JÜR II**, *s. ş. aňl. söz.* Jürlewük jürledilende çykýan ses. *Jür etmek.*

**JÜRBE-JÜR** [jürvö-jür], *syp., gepl. d.* Her dürli, dürli-dürli, her hili. *Bezenipdiň ýaşyl ýaprak, Jürbe-jür reňk güller bilen* (R. Seýidow).

**JÜRBE-JÜRLÜK** [jürvö-jürlük], *at.* Her dürlülik, dürli-dürlülik.

**JÜRDEK** [jürdök], *at.* Suw daşamak, sowatmak üçin toýundan ýasalyp bişirilýän gulply, syrçasyz, inçejik bokurdakly küýze görnüşli gap, golça. *Ol suwly jürdegi başyna göterdi* (B. Seýtäkow).

**JÜRE** [jürö] **I**, *syp., gepl.d.* Hili, tüýsli. *Agaýunus aýna alyp seretse, maňlaýynda bir jüre hal göründi* ("Görogly"). *Haýsy ýerde nä jüre ýarag ulanylmalydygyny pugta biliň* (A. Gowşudow).

**JÜRE** [jürö] **II**, *at.* Dalak çişip, içegä ýel düşüp, tarpa-taýyn öldürýän gylýal keseli.

◊ **Jüre getirmek** jüre keseline duçar bolmak. **Jüre degen** ata, gylýala käýinip aýdylýan sögünç. *Häý, baýtalyň gursun, baýtalyňa jüre degsin, ketew degsin, şundan başga geçere ýer tapmadyňmy? – diýip sögdi* (A. Durdyýew).

**JÜRE-JÜRE**, *ser.* **Jürbe-jür**. *Ýöredýär üç sany çyra, Myhman gelýär jüre-jüre* (Ç. Aşyrow).

**JÜRJEN** [jürjön], *at.* Kiçijik garaja möjejik.

◊ **Gara jürjen** kiçiden gelen garaja (çaga, oglan hakynda). *Gara jürjen oglanjyk.*

**JÜRJENEJE** [jürjönöjö], *ser*. **Jurjen: gara jürjen**.

◊ **Gara jürjeneje** garaja hem kiçijik. *Gara jürjeneje oglan buşlugyna berlen bäşligi kakyp aldy-da, ýyrşaryp çykyp gitdi* (T. Gurbanow).

**JÜRK-JÜRK**, *s. ş. aňl. söz.* Käbir müçesi kiçiräk guşlar yzly-yzyna saýranda çykýan sesler.

**JÜRKÜLDEME** [jürküllömö], *iş ady.* Jürküldemek ýagdaýy.

**JÜRKÜLDEMEK** [jürküllömök], *işl.* Jürküldili seslenmek, jürk-jürk edip saýramak.

**JÜRKÜLDEMEKLIK** [jürküllömöklük], *iş ady.* Jürküldemek ýagdaýy.

**JÜRKÜLDEMEZLIK** [jürküllömözlük], *iş ady.* Jürk-jürk etmezlik.

**JÜRKÜLDEŞMEK** [jürküllöşmök], *işl.* Ýerli-ýerden jürk-jürk etmek. *Guşlar jürküldeşip, höwürtgelerine iým daşaýardylar.*

**JÜRKÜLDETMEK** [jürküllötmök], *işl.* Jürk-jürk etdirmek, jürküldili seslendirmek, saýratmak. *Hany, bedeneleriňi bir jürküldetsene!*

**JÜRKÜLDÄBERMEK** [jürküllä:vermek], *işl.* Jürküldäp başlamak.

**JÜRKÜLDI** [jürküllü], *at.* Käbir guşlar jürk-jürk edip saýranda çykýan sesiň ady. *Çar töwerekden guşlaryň jürküldisi eşidilýärdi*.

**JÜRLEME** [jürlömö], *iş ady.* Jürlemek ýagdaýy.

**JÜRLEMEK** [jürlömök], *işl., ser.* **Jürrüldemek**. *Eminiň jürlewügi ýene-de jürledi* ("Edebiýat we sungat").

**JÜRLEMEKLIK** [jürlömöklük], *iş ady.* Jürlemek ýagdaýy.

**JÜRLEMEZLIK** [jürlömözlük], *iş ady.* Jürrüldili ses çykarmazlyk.

**JÜRLEŞMEK** [jürlöşmök], *işl., ser.* **Jürrüldeşmek**.

**JÜRLETMEK** [jürlötmök], *işl., ser.* **Jürrüldetmek**. *Ol jürlewügini jürledip başlady*.

**JÜRLEWÜK** [jürlöwük], *at.* Üflenende jürrüldili ses çykarýan, içi togalajyk daşlyja agaç ýa-da demir

enjam, jüljül. *Çagalar, size täze çykan jürlewük getirip bereýin* (N. Pomma).

**JÜRLÄBERMEK** [jürlä:vermek], *işl.* Jürläp başlamak.

**JÜRLÜK**, *at.* Öz iş-güýjüňe gaýymlyk, saklyk, hüşgärlik, hakyňa gaýymlyk. *Onsoň hem Annagylyç öz işine jürlüginden daşary paýhasly hünärment* (Ş. Borjakow).

**JÜRNÜK**, *at, ser.* **Jüründik**.

**JÜRRÜLDEME** [jürrüllömö], *iş ady.* Jürrüldemek ýagdaýy.

**JÜRRÜLDEMEK** [jürrüllömök], *işl.* **1**. Käbir serçe ýaly müçesi kiçiräk guşlar saýranda jürrüldili ses çykarmak, jürrüldili seslenmek, jürlemek. *Guşlaryň jürrüldeýän sesleri eşidilýärdi.* **2**. Ýersiz-ýere inçeden çasly ses bilen bir zatlar diýmek.

**JÜRRÜLDEMEKLIK** [jürrüllömöklük], *iş ady.* Jürrüldemek hereketi.

**JÜRRÜLDEMEZLIK** [jürrüllömözlük], *iş ady.* Jürrüldili ses çykarmazlyk.

**JÜRRÜLDEŞMEK** [jürrüllöşmök], *işl.* Ýerli-ýerden jürrüldili ses çykarmak. *Şol atlylaryň üstaşyry gaýmalaşýan, jürrüldeşýän serçeler garaňky düşýänini habar berýärdiler* (B. Kerbabaýew).

**JÜRRÜLDETMEK** [jürrüllötmök], *işl.* Jürrüldili ses çykartmak, jürrüldili seslendirmek, jürletmek. *Oglanjyk jürlewügini jürrüldetdi*.

**JÜRRÜLDÄBERMEK** [jürrüllä:vermek], *işl.* Jürrüldäp başlamak.

**JÜRRÜLDI** [jürrüllü], *at.* Käbir serçe ýaly müçesi kiçiräk guşlar saýranda ýa-da jüljül, jürlewük çalnanda çykýan sesiň ady. *Enaýyja guşlaryň jürrüldisi gulagyňa ilýärdi*.

**JÜRÜM**, *at, kön. s.* Günä. *Jürümim çoh bolsa, keremiň kändir, Bagyşlasaň neýlär ýarym, ýa jepbar!* (Magtymguly).

**JÜRÜNDIK** [jürünnük], *at.* Çäýnek, semawar, kündük ýaly içine çaý, suw guýulýan gaplaryň suw akary, jürnük.

◊ **Jüründik ýaly bolmak** ýüzi inçelip horlanmak.

**JÜWLÜK**, *syp., gepl.d.* **1**. Kezzap. **2**. "Garagol" diýen manyda ulanylýan söz (köplenç, gartaşan aýallaryň dilinde).

**JÜÝBÜLDEME** [jüývüllömö], *iş ady.* Jüýbüldemek ýagdaýy.

**JÜÝBÜLDEMEK** [jüývüllömök], *işl.* Jüýp-jüýp edip seslenmek, jüýbüldili seslenmek, saýramak. *Torgaýlar asmanda jüýbüldeýärdi.*

**JÜÝBÜLDEMEKLIK** [jüývüllömöklük], *iş ady.* Jüýbüldemek ýagdaýy.

**JÜÝBÜLDEMEZLIK** [jüývüllömözlük], *iş ady.* Jüýbüldili ses çykarmazlyk.

**JÜÝBÜLDEŞMEK** [jüývüllöşmök], *işl.* Köp guş ýerli-ýerden jüýbüldemek. *Torgaýlar bir enaýyja jüýbüldeşip, al asmandan syzalygyň içine inýärdiler* (N. Baýramow).

**JÜÝBÜLDÄBERMEK** [jüývüllä:vermek], *işl.* Jüýbüldäp başlamak.

**JÜÝBÜLDI** [jüývüllü], *at.* Käbir guşlaryň jüýp-jüýp edip çykarýan sesiniň ady. *Üznüksiz saýraýan guşlaryň jüýbüldileri eşidilýärdi* (A. Gowşudow).

**JÜÝGÜLDEME** [jüýğüllömö], *iş ady.* Jüýgüldemek ýagdaýy.

**JÜÝGÜLDEMEK** [jüýğüllömök], *işl.* Jüýk-jüýk etmek, jüýgüldili seslenmek, jüýbüldemek. *Çöpüň düýbünde bir guşjagaz jüýgüldedi.*

**JÜÝGÜLDEMEKLIK** [jüýğüllömöklük], *iş ady.* Jüýgüldemek ýagdaýy.

**JÜÝGÜLDEMEZLIK** [jüýğüllömözlük], *iş ady.* Jüýgüldili ses çykarmazlyk.

**JÜÝGÜLDEŞMEK** [jüýğüllöşmök], *işl.* Köp guş ýerli-ýerden jüýgüldemek, jüýbüldeşmek.

**JÜÝGÜLDETMEK** [jüýğüllötmök], *işl.* Jüýk-jüýk etdirmek, jüýgüldili seslendirmek. *Jüýgüldetmän, gowuja saklaýsana!*

**JÜÝGÜLDÄBERMEK** [jüýğüllä:vermek], *işl.* Jüýgüldäp başlamak.

**JÜÝGÜLDI** [jüýğüllü], *at.* Jüýjäniň we käbir ownuk guşlaryň jüýk-jüýk edip çykarýan sesiniň ady. *Gök meýdanda guşlaryň jüýgüldisi köpelýärdi* ("Edebiýat we sungat").

**JÜÝJE** [jüýjö], *at.* **1**. Towuk, käkilik, sülgün we ş.m. guşlaryň çagasy. **2**. Egin-eşige gaýma bilen ilki iki sanjylyp, soňra şol sanjymlaryň aralygyndan ýene bir gezek sanjylyp salynýan nagyş.

◊ **Jüýjäni güýz sanaşmak** işiň soňuna seretmek, işiň netijesini belli bir möhletde barlap görmek, ýeri gelende hasaplaşmak.

**JÜÝJELEME** [jüýjölömö], *iş ady.* Jüýjelemek ýagdaýy.

**JÜÝJELEMEK** [jüýjölömök], *işl.* Ýumurtga basyp, jüýje çykarmak, jüýjelemek. *Towuklarymyz jüýjeledi*.

**JÜÝJELEMEKLIK** [jüýjölömöklük], *iş ady.* Jüýjelemek ýagdaýy.

**JÜÝJELEMEZLIK** [jüýjölömözlük], *iş ady.* Jüýje çykarmazlyk.

**JÜÝJELÄBERMEK** [jüýjölä:vermek], *işl.* Jüýjeläp başlamak.

**JÜÝJELI** [jüýjölü], *syp.* Jüýjesi bar bolan. *Jüýjeli towuk*.

**JÜÝJERILMEK** [jüýjörülmök], *işl., ser.* **Jüýjermek**.

**JÜÝJERIŞMEK** [jüýjörüşmök], *işl.* Ýerli-ýerden jüýjerip başlamak.

**JÜÝJERME** [jüýjörmö], *iş ady.* Jüýjermek ýagdaýy.

**JÜÝJERMEK** [jüýjörmök], *işl.* Bir hili çiňerilip seretmek, birine ýa-da bir zada tiňkäňi dikip seretmek, çüýjermek. *Çary zöwwe ýerinden galdy-da, ýüzüme jüýjerip bakdy* (H. Garabaýew).

**JÜÝJERTMEK** [jüýjörtmök], *işl.* Gözüňi aýyrman seretmek. *Gözüňi jüýjerdip oturmak.*

**JÜÝK: jüýk bolmak** bir gezek ýeňlenden soň urşup bilmän gaçmak, sussy basylmak (haýwanlar, guşlar hakynda). **Jüýk burun** ujy inçe, uzyn burun.

**JÜÝK-JÜÝK**, *s. ş. aňl. söz.* Guşjagaz saýranda çykýan ses.

**JÜÝP-JÜÝP**, *s. ş. aňl. söz.* **1**. Käbir guşlar saýranda çykýan ses. *Şol gözel joşgun bilen saýraýan torgaýlaryň jüýp-jüýbi eşidilýärdi* (B. Kerbabaýew). **2**. Jüýjeler çagyrylanda birnäçe gezek gaýtalanyp aýdylýan söz.

◊ **Jüýp-jüýp ýaly bolmak** horlanyp kiçelmek. *– A gyz, pylany jüýp-jüýp ýaly bolaýypdyr-la, oňa näme bolýarka?*

**JYBAR** [jyva:r], *at.* Çalaja sepeläp ýagýan ownuk ýagyş. *Salym geçmänkä jybar ýagşa öwrüldi.*

**JYBARLAMA** [jyva:rlama], *iş ady.* Jybarlamak ýagdaýy.

**JYBARLAMAK** [jyva:rlamak], *işl.* Çalaja sepeläp, pürküp, ygal düşmek, owunjak çisňäp durmak. *Jybarlap ýagýan ýagyş ýeriň tozanyny ýatyrdy-da diňdi* (B. Kerbabaýew).

**JYDA** [jyda:], *hal.* Aýralyk, biri-birinden aýry, aýra düşmek.

◊ **Jyda düşmek (bolmak) 1)** aýralyga uçramak, aýralykda ýaşamak. *Niçik tap getirdiň jyda bolmaga* ("Şasenem – Garyp"). **2)** birinden ýa-da bir zatdan mahrum bolmak, aýrylmak. *Şirin jandan jyda düşmek.* **Jyda etmek 1)** aýralyga sezewar etmek, aýralykda ýaşatmak. **2)** birinden ýa-da bir zatdan mahrum etmek, aýyrmak.

**JYDA**, *at, kön.s.* Naýza. *Altyn jydasyn eline aldy* ("Gorkut ata").*Men durdum öňünde jyda parladyp Senden gaýdan enesinden dogmasyn* ("Görogly").

**JYDALYK** [jyda:lyk], *at.* Aýra düşmeklik, aýralyk, aýraçylyk. *Pelek aýra salsa, jydalyk düşse, Ähtibarly şir ýoldaşy gerekdir* ("Görogly"). *Jydalykdan ýanyp-köýüp, Ýar-ýar diýip ýola düşdüm* (Kätibi).

**JYGA** [jyğa], *at.* **1**. Gylguýrugyň owadan guýruk ýelegi. **2**. Şalaryň kellesine geýýän baş gabynyň maňlaýyna gysdyrýan owadan ýelege meňzeş bezegi, täç.

**JYGBA-JYG** [jyğva-jyğ]**: jygba-jyga gelmek** gyzza-gyzza gelmek, işiň gyssagly wagty bolmak, işiň gyzgalaňly döwri başlamak.

**JYGGYLDABERMEK** [jyğğylla:vermek], *işl.* Jyggyldap başlamak.

**JYGGYLDAMA** [jyğğyllama], *iş ady.* Jyggyldamak ýagdaýy.

**JYGGYLDAMAK** [jyğğyllamak], *işl.* Jyg-jyg edip ses çykmak, jyggyldyly seslenmek.

**JYGGYLDAMAZLYK** [jyğğyllamazlyk], *iş ady.* Jyg-jyg edip ses çykarmazlyk.

**JYGGYLDY** [jyğğylly], *at.* Bir hereket netijesinde ýa-da maşyn, motor işlände çykýan sesiň ady. *Telefonyň bir hili jyggyldysy bar.*

**JYGLAMA** [jyğlama], *iş ady.* Jyglamak ýagdaýy.

**JYGLAMAK** [jyğlamak], *ser.* **Jyggyldamak**.

**JYGLAMAKLYK** [jyğlamaklyk], *iş ady.* Jyglamak ýagdaýy.

**JYGLYM** [jyğlym], *at.* Çäge gatyşykly ownuk çagyl.

**JYGRAMA** [jyğrama], *at.* Ownukly-irili gury çöp-çalam. *Aýallar gapylaryny syryşdyryp-süpürişdirip, iri jygrama çöpleri tamdyryň başyna çekýärdiler* (N. Pomma).

**JYGY-JYGY** [jyğy-jyğy], *at.* Ownuk ýaprakly, ak gülli, inçe hem ýumşak baldakly gür ösýän süýjümtik ot. *Agaçlaryň arasynda jygy-jygy oty köp bitýär.*

**JYGYLDABERMEK** [jy:ğylla:vermek], *işl.* Jygyldyly ses çykyp başlamak.

**JYGYLDAMA** [jy:ğyllama], *iş ady.* Jygyldamak işi.

**JYGYLDAMAK** [jy:ğyllamak], *işl.* Jygyldyly ses çykmak, jygyldyly seslenmek, jyk-jyk etmek. *Ýykyljak araba kyrk gün öňünden jygyldar* (Nakyl). *Araba zaryn jygyldap, ynançsyz hereket bilen öňe barýardy* (B. Seýtäkow).

**JYGYLDAMAKLYK** [jy:ğyllamaklyk], *iş ady.* Jygyldamak ýagdaýy.

**JYGYLDAMAZLYK** [jy:ğyllamazlyk], *iş ady.* Jygyldyly ses çykarmazlyk.

**JYGYLDAŞMAK** [jy:ğyllaşmak], *işl.* Ýerli-ýerden jygyldyly ses çykmak.

**JYGYLDATDYRMAK** [jy:ğyllatdyrmak], *işl.* Jygyldyly ses çykartmak.

**JYGYLDATMAK** [jy:ğyllatmak], *işl.* Jygyldyly ses çykartmak, jygyldyly seslendirmek, jyk-jyk etdirmek. *Sekiz ýyllap jygyldadyp, ýörederdim juwazyny* (K. Gurbannepesow).

**JYGYLDY** [jy:ğylly], *at.* **1**. Bir zat ikinji bir zada degende, sürtülende näsazlygyň ýüze çykmagy sebäpli çykýan sesiň ady. *Juwazyň jygyldysy. Arabanyň tigriniň jygyldysy.* **2**. Käbir mör-möjekleriň jyk-jyk edip çykarýan sesi.

**JYGYLDYK** [jyğyllyk], *at.* Her hepdäniň dynç güni, şeýle hem käbir beýleki günleri uly märekäniň üýşüp, zat alyp, zat satýan bazary.

**JYGYLDYM** [jyğyllym], *at.* Adamlaryň köp üýşen ýeri, uly märeke, üýşmeleň. *Jygyldyma düşen ýaş, garry aýallaryň-da aňy gaçypdy* (B. Kerbabaýew).

**JYGYR** [jyğyr], *at, gepl.d.* Sürlüp, mala basylyp, ekişe taýýarlanylyp goýlan ýer, şüdügär.

**JYGYRT-MYGYRT** [jyğyrt-myğyrt]**: jygyrt-mygyrt etmek** ýüzüniň ugruna basmak, gabyr-gubur basmak, bagryň aşagyna almak. *Alabaý Akbaýy jygyrt-mygyrt edäýdi.*

**JYK** [jyk], *s. ş. aňl. söz.* Sagat bir gezek ýörände çykýan ses.

**JYK** [jy:k] **I**, *s. ş. aňl. söz.* Gapy açylyp-ýapylanda çykýan ses. *Ertirden agşama çenli işigiň jyk edip, açylyp-ýapylmasy kesilmedi.*

**JYK** [jy:k] **II**, *üml.* Çaga oýnunda we ş.m. ýagdaýda görünmän seredilip aýdylýar. *Öýüň aňyrsynda bukulan oglanjyk: "Jyk" diýip gygyrdy.*

**JYK** [jy:k] **III**, *at.* **1**. Pagtanyň süýümini çigidiniň daşyndan süýüp alýan ýönekeý agaç gural.

◊ **Jykdan çykan ýaly etmek** endam-jany kül-owram bolýança ýençmek. **Jyk ýagy** pagta çigidinden alynýan ýag.

**JYKGYLDABERMEK** [jykgylla:vermek], *işl.* Jykgyldap başlamak.

**JYKGYLDAMA** [jykgyllama], *iş ady.* Jykgyldamak ýagdaýy.

**JYKGYLDAMAK** [jykgyllamak], *işl.* Jykgyldyly seslenmek, jykgyldyly ses çykmak, jyk-jyk etmek (sagat hakynda). *Asma sagat jykgyldap işleýärdi.*

**JYKGYLDAMAKLYK** [jykgyllamaklyk], *iş ady.* Jykgyldamak ýagdaýy.

**JYKGYLDAMAZLYK** [jykgyllamazlyk], *iş ady.* Jykgyldyly ses çykmazlyk.

**JYKGYLDAŞMAK** [jykgyllaşmak], *işl.* Bir bada birnäçe sagatdan jykgyldyly ses çykmak. *Ussahanada asma sagatlar jykgyldaşýardylar*.

**JYKGYLDATMAK** [jykgyllatmak], *işl.* Jykgyldyly ses çykarmak, jyk-jyk etdirip seslendirmek.

**JYKGYLDY** [jykgylly], *at.* Sagat ýa-da şuňa meňzeş dilli enjam işlän wagtynda çykýan sesiň ady. *Asma sagadyň jykgyldysy eşidilip dur* ("Edebiýat we sungat").

**JYKJYK** [jy:kjy:k], *at.* Tomzaklar maşgalasyndan bolan uzyn aýak, süýnmek, uçup bilmeýän gara möjejik, tomzagyň bir görnüşi.

**JYK-JYK**, *s. ş. aňl. söz.* Sagat ýöräp durka yzygiderli çykýan sesler. *Sagat jyk-jyk edip, birsydyrgyn işleýärdi.*

**JYK-JYK** [jy:k-jy:k], *s. ş. aňl. söz.* Yzly-yzyna açylyp-ýapylýan gapydan, käbir ýagdaýda ýeliň ugruna yranyp duran agaçdan çykýan sesler. *Agajynyň jyk-jygyna, sesim goşup aýlandym men* (K. Gurbannepesow).

**JYKLABERMEK** [jy:kla:vermek] **I**, *işl.* Ogrynça seredip başlamak.

**JYKLABERMEK** [jy:kla:vermek] **II**, *işl.* Pagtany jykdan geçirip, süýümini alyp başlamak.

**JYKLAMA** [jy:klama] **I**, *iş ady.* Ogrynça garamak ýagdaýy.

**JYKLAMA** [jy:klama] **II**, *iş ady.* Pagtany jykdan geçirip, süýümi almak işi.

**JYKLAMAK** [jy:klamak] **I**, *işl.* Ogrynça garamak, görünmän seretmek, yşyklamak. *Gyz durlugyň deşiginden jyklap oturyşyna Annagylyjy gördi* (B. Gulow).

**JYKLAMAK** [jy:klamak] **II**, *işl.* Pagtany jykdan geçirip, süýüm almak.

**JYKLAMAKLYK** [jy:klamaklyk] **I**, *iş ady.* Ogrynça garamak ýagdaýy.

**JYKLAMAKLYK** [jy:klamaklyk] **II**, *iş ady.* Jyklap süýümini almak ýagdaýy.

**JYKLATMAK** [jy:klatmak] **I**, *işl.* Jyklamaga, buky ýerden seretmäge mümkinçilik döretmek, ýol bermek. – *Eje, maňa öýüň içinden jykladaýsana, daşaryk kowmasana!*

**JYKLATMAK** [jy:klatmak] **II**, *işl.* Başga birine pagtany jykdan geçirdip, süýümini aldyrmak.

**JYKMAŞYN** [jy:kmaşy:n], *at.* Hojalykda et üwemek üçin ulanylýan gural. *Jykmaşyn bilen et üweýärler.*

**JYKYR**, *at, kön. s.* **1**. Derýadan, çuň ýapdan suw çykarmak üçin küýzeler keserdilip berkidilen çarhly sada gurluşly desga. *Jykyr işletmek*. **2**. Inçeräk tagtanyň iki başyna kiçijik tigirçek oturdylyp hem-de öň tarapyna tagta böleginden eltutar berkidilip, sürüp oýnamak üçin ýasalan çaga oýnawajy. *Jykyr sürmek*.

**JYKYRDABERMEK** [jykyrda:vermek], *işl.* Jykyr-jykyr edip başlamak, jykyrdyly ses çykaryp, gülüp başlamak.

**JYKYRDAMA**, *iş ady.* Jykyrdamak ýagdaýy.

**JYKYRDAMAK**, *işl.* **1**. Jykyrdyly ses çykarmak, jykyrdy döretmek, jykyr-jykyr etmek. **2**. *gepl.d.* Jykyrdyly gülmek.

**JYKYRDAMAKLYK**, *iş ady.* Jykyrdamak ýagdaýy.

**JYKYRDAMAZLYK**, *iş ady.* Jykyrdyly ses çykarmazlyk, jykyr-jykyr edip gülmezlik.

**JYKYRDAŞMAK**, *işl.* Ýerli-ýerden bilelikde jykyr-jykyr edip gülmek. *Oturan gyzlar birden jykyrdaşyp güldüler.*

**JYKYRDATMAK**, *işl.* **1**. Jykyrdyly ses çykartmak, jykyrdy döretdirmek, jykyr-jykyr etdirmek. **2**. *gepl.d.*

Jykyrdyly güldürmek. *Töweregindäki çagalary içini gyjyklaýan ýaly jykyrdadýardy* (B. Kerbabaýew).

**JYKYRDY**, *at.* Käbir agaç gurallar hereket edende, çagalar gülende we ş.m. çykýan sesiň ady. *Uzak wagtlap çagalaryň jykyrdysy ýatmady.*

**JYKYRGOLÇA** [jykyrğolço], *at.* Kärizden suw almak üçin ulanylýan iki tarapy inçeräk, ortasy ýognas küýze.

**JYKYRYK**, *at.* **1.** Malyň boýnuna, elguşuň aýagyna baglanýan gaýyş bag, ýüp towlanyp çolaşmazlyk üçin dakylýan agaç enjam (ol 5-10 *sm* uzynlykdaky, 3-5 *sm* inlilikdäki gaty agaçdan üç ýerinden deşik deşilip, ýylmanyp ýasalýar). **2**. Degirmeniň ýokarky daşynyň ortasyndaky deşigine kese kakylýan ortasy deşikli agaç.

◊ **Jykyrjygy tutmak** haýsydyr bir sebäbe görä birden üýtgäp, gahary gelmek. *Ol bir görseň-ä allanäme adamdyr, birdenem näme sebäpdendigini bilip bilmersiň, jykyrjygy tutup, özüni bir kada alyp baryp bilmän, dargursak adama öwrüler duruberer.*

**JYKYRJYKLY**, *syp*. Bolşy, gylyk-häsiýeti birden erbetlige, edepsizlige tarap üýtgäp duran, sypaýyçylyk diýen zady bilmän, ýüzüňi alyp duran, gylyksyz. *Onuň ýanyna baryp, işiňi bitirdäýmek ýeňil iş däl bolsa gerek, özi bir jykyrjykly adam-da, birden üýtgäberýär.*

**JYKYR-JYKYR**, *s. ş. aňl. söz.* Köplenç, çaga gülende çykýan sesler. *Mährijik hem begenip, hem gyjygy tutup, jykyr-jykyr güldi* (T. Gurbanow).

**JYKYRKÄRIZ** [jykyrkä:riz], *at.* Jykyr bilen suw alynýan käriz.

**JYKYRYK**, *at.* **1**. Bir sere uzynlykdaky tow almazlyk üçin ulanylýan iki ujy we ortasy deşik ýasyja agaç (onuň ortaky deşiginden geçirilýän ýüp gazyga, iki ujundaky deşikden geçirilýän ýüp goýnuň boýnuna daňylýar). **2**. El degirmeniniň ýokarky daşynyň ortasyndaky deşigine kese goýulýan, ortasy deşik agaç.

◊ **Jykyrygy tutmak** *ser.* **Jykyrjyk**: **jykyrjygy tutmak.**

**JYKYRYKLAMAK**, *işl.* Baggoýnuň boýun ýüpüne, elguşuň aýak bagyna jykyryk berkitmek.

**JYKYRYKLAMAKLYK**, *iş ady.* Jykyryklamak ýagdaýy.

**JYKYRYKLAMAZLYK**, *iş ady.* Baggoýnuň ýüpüne jykyryk berkitmezlik.

**JYKYRYKLAŞMAK**, *işl.* Baggoýnuň ýüpüne jykyryk berkitmäge kömekleşmek. *Men oňa baggoýunlaryny jykyryklaşdym*.

**JYKYRYKLATMAK**, *işl.* Baggoýnuň ýüpüne jykyryk berkitdirmek.

**JYKÝAG** [jy:kýa:ğ], *at, gepl. d., ser.* **Jyk III**.

**JYLAW** [jylow], *at.* **1**. Uýanyň iki gapdalyna, agyzdyrygyň halkasyna berkidilýän uzyn gaýyş bag. *Atynyň jylawyny Göroglynyň eline berdi* ("Görogly"). **2**. Ýer ady.

◊ **Jylawy deňlemek** ýaryşa goşulan atlary deň çapmak. **Jylawy deň tutmak** ulagy göni, dogry sürüp gitmek, hiç ýana sowulmazlyk. **Jylawyndan çekmek** öňüni almak, öz ugruna goýbermezlik, birneme terbiýe bermek, tertip öwretmek. **Jylawyny başyna oramak** ygtyýaryny öz eline bermek. **Jylawyny ele almak** erk-ygtyýaryny ele almak, boýun egdirmek. **Jylawyny gowşatmak (goýbermek)** birine gowşak daramak, "haý" diýmezlik, öz meýline, ygtyýaryna goýbermek. **Jylawyňy bermek** erk-ygtyýaryňy başga biriniň eline bermek.

**JYLAWAZ** [jylowa:z]: **jylawaz ýeli** *gepl.d.* demirgazyk-günbatar tarapdan öwüsýän ýel. *Jylawaz ýeli öwsüp durdy.*

**JYLAWDAR** [jylowda:r], *at, kön. s.* At jylawyny tutujy, attutar. *Gassap ogly Öwez janym, Saňa jylawdar eýlär men* ("Görogly").

**JYLAWHANA** [jylowha:na], *at.* At esbaby saklanýan, goýulýan jaý.

**JYLAWLABERMEK** [jylowla:vermek], *işl.* **1**. Ata jylaw salyp başlamak. **2**. *göç.m.* Boýun egdirip başlamak.

**JYLAWLAMA** [jylowlomo], *iş ady.* Jylawlamak ýagdaýy.

**JYLAWLAMAK** [jylowlomok], *işl.* **1**. Jylaw daňmak, jylaw baglamak. **2**. Hormat edip atyň jylawyndan tutmak. *Öwezmyrat batyr Permany ata mündürdi-de, özi jylawlap, howludan alyp çykdy* (A. Gowşudow). **3**. *göç.m.* Boýun egdirmek, tabyn etmek.

**JYLAWLAMAKLYK** [jylowlomokluk], *iş ady.* Jylawlamak ýagdaýy.

**JYLAWLAMAZLYK** [jylowlomozluk], *iş ady.* **1**. Ata jylaw salmazlyk. **2**. Hormat üçin atyň jylawyndan tutmazlyk. **3**. *göç.m.* Boýun egdirmezlik, tabyn etmezlik.

**JYLAWLANMAK** [jylowlonmok], *işl.* **1**. Jylaw salynmak. **2**. *göç.m.* Boýun egdirilmek, tabyn edilmek.

**JYLAWLAŞMAK** [jylowloşmok], *işl.* **1**. Jylawlamaga kömekleşmek. **2**. Biri bilen bilelikde jylawlamak.

**JYLAWLATMAK** [jylowlotmok], *işl.* **1**. Jylawlamak işini başga birine etdirmek. **2**. *göç.m.* Jylawlamaga ýol bermek, mümkinçilik döretmek. *Batyr adamlar hiç wagt özüni jylawladan däldir*.

**JYLAWLAÝYŞ** [jylowloýuş], *iş ady.* Jylawlamak ýagdaýy.

**JYLAWLY** [jylowly], *syp.* Jylaw daňlan, jylaw dakylan. *Jylawly at.*

**JYLAWSYZ** [jylowsuz], *syp.* Jylaw daňylmadyk, jylaw baglanmadyk. **2**. *göç.m.* Başyna giden, edenini edip ýören, edep-ekramsyz.

**JYLGA** [jylğa], *at.* Daglaryň, baýyrlaryň ýüzündäki uzalyp gidýän suw yzlary, tebigy ýagyş suwunyň ýasan çylgamlary.

◊ **Jylgasyndan suw akdyrmak** der saçyp zähmet çekmek. *Bu işiň hötdesinden gelmek üçin birentekler jylgasyndan suw akdyrmaly bolar*.

**JYLGALYK** [jylğalyk], *at.* Jylga-jylga bolup ýatan daglyk, baýyrlyk ýer.

**JYLK**, *syp., gepl.d.* Örän, has, juda. (diňe *sary* diýen sypatyň manysyny güýçlendirýär). *Jylk sary mata.*

**JYLKYLDAŞMAK** [jylkyllaşmak], *işl., gepl.d.* Biri bilen ýerliksiz degşen bolmak, gülşen bolmak.

**JYN**, *at.* Köneden gelýän düşünjä görä adama her hili görnüşde görünýän we täsir edýän mahluk, al-arwah. *Jynmu sen, ýa almu sen, janyma ajalmu sen* (Zelili).

◊ **Jyn dargan ýaly dargamak** dumly-duşa pytramak, duw-dagyn bolmak. **Jyn kakmak** bir hili akylyň üýtgän ýaly bolmak. **Jyn kakan ýaly zym-zyýat bolmak** birden ýok bolmak, ýitmek. **Jyn urmak** bir zada sezewar bolmak, şowsuzlyga uçramak. *Garly ussa, oňa näme jyn urduka?* (A. Gowşudow). **Jyn ýaly** örän ýeser, dogumly. *Görogly jyn ýaly çalasyn zaňňar* ("Görogly"). **Jynyň almak** sulhuň alyp, birini gowy görmek. **Jynyň almazlyk** gowy görmezlik, halamazlyk. *Şuny bir hili jynym alanok.* **Jynyň atlanmak** nämedir bir zada gaharyň gelmek. **Jynyň düşmek** bir zada ýa-da birine birsyhly üns bermek, bir zat ýa-da biri barada hemişe alada etmek. **Jynyň jyňkyryşmazlyk** biri-biriňi gowy görmezlik, gep-gürrüňiň alyşmazlyk, biri-biriň bilen düşünişmezlik, oňuşmazlyk. *Meniň onuň bilen jynym jyňkyryşmaýar* (A. Durdyýew).

**JYN-ARWAH**, *ser.* **Jyn**.

**JYNAZA** [jyna:za], *at.* Öli jaýlanmazdan öň, Yslam dininiň däp-dessury boýunça okalýan aýat, namaz. *Uly il bolup Göroglynyň jynazasyny okap, depin etdiler* ("Görogly").

**JYNLABERMEK** [jynla:vermek], *işl.* Birden däli ýaly bolubermek, däliräbermek.

**JYNLAMA**, *iş ady.* Dälilik hetdine ýetmek ýagdaýy.

**JYNLAMAK**, *işl.,gepl.d.* Dälilik hetdine ýetmek, däliremek.

◊**Jynlan ýaly bolmak** garaşylmadyk ýagdaýda gykylyklap başlamak, töweregindäki adamlara diýmesiz sözleri diýmek we adamçylyga sygyşmaýan hereketleri etmek. *Ol jynlan ýaly bolup, ýakasyny ýyrtdy, aýylganç gykylyk etdi* (B. Kerbabaýew).

**JYNLAMAKLYK**, *iş ady.* Dälilik hetdine ýetmek ýagdaýy.

**JYNLAMAZLYK**, *iş ady.* Dälilik hetdine ýetmezlik, däliremezlik.

**JYNLY**, *syp.,gepl.d.* **1**. Däli, telbe, kakynly, tutgaýly (adam hakynda). *Bir jynly galandar ekeni* ("Görogly"). **2**. *göç.m.* Gazaply, gaharjaň.

**JYNLYLYK**, *at, gepl. d.* **1**. Jynlynyň ýagdaýy, telbelik, dälilik, kakynlylyk, tutgaýlylyk. **2**. *göç. m.* Gazaplylyk, gaharlylyk.

**JYNS** [jynys], *at, biol*. **1**. Janly-jandaryň, şol sanda ynsanyň biologik taýdan urkaçylyk ýa-da erkeklik aýratynlygy. **2**. Urug meňzeşligini görkezýän alamat. *Biz-ä hemişe iki jynsdan emele gelene gatyr diýýärdik* (B. Kerbabaýew). **3**. Ynsanyň teniniň reňki boýunça aýratynlygyny görkezýän bir görnüşi. *Garaýagyz jynsyň wekili.* **4**. *geol*. Ýer togalagynyň (şarynyň) gaty gatlagyny düzýän hem-de ýer gatlaklarynda emele gelýän mineral. *Dag jynslary*. **5**. Ynsan neslinden bolmadyk mahluk. *Men ol zadyň ynsdygyny, jynsdygyny bile bilmedim* ("Görogly").

◊ **Jyns at (mal)** arassa tohumdan bolan at (mal). *Ýeňsesini tüňňerdip, agyzdyrygyny çeýneýän jyns al at toýnaklary bilen ýer peşedi* (B. Kerbabaýew). **Jyns atlar** *dil b.* bir jynsdan bolan umumy zady, düşünjäni aňladýan atlar. **Jynsy üýtgemek** ýüz-gözi, tüýsi üýtgemek.

**JYNSDAŞ** [jynyssaş], *at.* Bir biologik jynsa mahsus bolan, bir jynsdan bolan, meňzeş jynsdan dörän.

**JYNSPARAZ** [jynysparaz], *at.* Jynsparazlygyň tarapyny tutujy, jynsparazlygyň tarapdary.

**JYNSPARAZLYK** [jynysparazlyk], *at.* Adamzadyň gelip çykyşy bilen baglanyşykly jyns aýratynlygyny (*ser*. **Jyns 3**) öňe sürýän taglymat.

**JYNSSYZ** [jynyssyz], *syp., gepl.d.* Ýüzünde adam tüýsi bolmadyk, tüýsi üýtgän. *Ol jynssyz bolupdyr, ýüzüne sereder ýaly däl.*

◊ **Jynssyz gygyrmak** aýylganç ses etmek, çirkin ses bilen gygyrmak.

**JYŇ-JYŇ**, *s. ş. aňl. söz.* Käbir uçýan kiçijik möjejiklerden yzly-yzyna çykýan inçejik sesler. *Jyň-jyň etmek.*

**JYŇK: jyňk etmezlik** sesiňi, jyňkyňy çykarmazlyk, geplemezlik. **Jyňkyňy çykarmazlyk** *ser.* **Jyňk etmezlik**. *Jyňkyny çykarman häzir hiç biri, Öýde asudalyk, ümsümlik boldy* (A. Kekilow).

**JYŇKYDYBERMEK** [jyňkydyvermek], *işl.* Haýdan-haý içip başlamak. *Hany bu ümmülmez çölde baryp, eňegini basagadan, jyňkydybermäge Jeýhunyň mele suwy barmy näme?* (N. Pomma).

**JYŇKYTDYRMAK**, *işl.* Birbada içirip gutartmak.

**JYŇKYTMA**, *iş ady.* Jyňkytmak ýagdaýy.

**JYŇKYTMAK**, *işl., gepl.d.* Nebsewürlik bilen içmek, başa çekmek, içip gutarmak. *Mert kişi boljak boldy-da, onam jyňkydyp goýberdi* (N. Baýramow).

**JYŇKYTMAKLYK**, *iş ady.* Birbada içip gutarmak ýagdaýy.

**JYŇKYTMAZLYK**, *iş ady.* Birbada içip gutarmazlyk.

**JYŇŇYLDABERMEK** [jyňňylla:vermek], *işl.* Jyňňyldap başlamak.

**JYŇŇYLDAMA** [jyňňyllama], *iş ady.* Jyňňyldamak ýagdaýy.

**JYŇŇYLDAMAK** [jyňňyllamak], *işl.* **1**. Jyňňyldyly ses çykmak, jyňňyldyly seslenmek. **2**. Öz başyňa gürläp, närazyçylygyňy bildirmek. *Çybyk degen jyňňyldar, tokmak degen togtar* (Atalar sözi).

**JYŇŇYLDAMAKLYK** [jyňňyllamaklyk], *iş ady.* Jyňňyldamak ýagdaýy.

**JYŇŇYLDAMAZLYK** [jyňňyllamazlyk], *iş ady.* Jyňňyldyly seslenmezlik.

**JYŇŇYLDAŞMAK** [jyňňyllaşmak], *işl.* Ýerli-ýerden jyňňyldyly seslenmek. *Näme beýle jyňňyldaşýarsyňyz, ýüregiňizden turmadymy?!*

**JYŇŇYLDATMAK** [jyňňyllatmak], *işl.* Jyňňyldyly ses çykarmak.

**JYŇŇYLDY** [jyňňylly], *at.* **1**. Jyň-jyň edip çykýan sesiň ady. **2**. *göç.m.* Teýeneli, iňirdili ýürege düşgünç sesiň ady. *Ol bu gaýtalanýan jyňňyldydan halys ýadapdy.*

**JYŇŇYRDABERMEK** [jyňňyrda:vermek], *işl.* Jyňňyrdap başlamak.

**JYŇŇYRDAMA**, *iş ady.* Jyňňyrdamak hereketi.

**JYŇŇYRDAMAK**, *işl.* Jyňňyrdyly ses çykmak, jyňňyrdyly seslenmek, jyňňyr-jyňňyr etmek. *Telefon jyňňyrdady.*

**JYŇŇYRDAMAKLYK**, *iş ady.* Jyňňyrdamak ýagdaýy.

**JYŇŇYRDAMAZLYK**, *iş ady.* Jyňňyrdyly ses çykmazlyk.

**JYŇŇYRDAŞMAK**, *işl.* Birnäçe ýerden jyňňyrdyly ses çykmak. *Telefonlar jyňňyrdaşyp başlady.*

**JYŇŇYRDATMAK**, *işl.* Jyňňyrdyly seslendirmek, jyňňyr-jyňňyr etdirmek. *Elindäki oýnawajy jyňňyrdatdy*.

**JYŇŇYRDAWUK** [jyňňyrdowuk], *syp.* **1**. Jyňňyrdyly seslenýän, ses döredýän, jyňňyr-jyňňyr edýän. *Jyňňyrdawuk ses çykarýan şaýlaryň sany köpdi.* **2**. Jyňňyrdy döredýän çaga oýnawajy.

**JYŇŇYRDY**, *at.* Demir, çüýşe we ş.m. zatlaryň üznüksiz galtaşmagyndan ýa-da jaňyň urulmagyndan çykýan sesiň ady. *Telefon jyňňyrdysy.*

**JYŇŇYR-JYŇŇYR**, *s. ş. aňl. söz.* Şaý-sepiň kümüş düwmeleri, şelpeleri yzly-yzyna biri-birine degende, jaňjagaz gymyldanda we ş.m. ýagdaýda çykýan sesler.

**JYŇŇYRT**, *s. ş. aňl. söz.* Şaý-sepiň kümüş düwmeleri, şelpeleri birden biri-birine degende, jaňjagaz, telefon bir gezek jyňňyrdanda çykýan ses. *Telefon birden jyňňyrt etdi.*

**JYPYDYKLABERMEK** [jypydykla:vermek], *işl.* Çalt ýöräp, howlukmaç ýorgalap başlamak.

**JYPYDYKLAMA**, *iş ady.* Jypydyklamak hereketi.

**JYPYDYKLAMAK**, *işl., gepl. d.* Çalt ylgap gitmek.

**JYPYDYKLAMAKLYK**, *iş ady.* Jypydyklamak ýagdaýy.

**JYPYDYKLAMAZLYK**, *iş ady.* Jypydyklap ýöremezlik.

**JYPYDYKLAŞMAK**, *işl., gepl. d.* Köp bolup jypydyklap ýöremek. *Çagalar jypydyklaşyp ylgaşyp gitdiler.*

**JYPYTMAK,** *işl., ser.* **Jypydyklamak.** *Oglan jypydyp gitdi.*

**JYRK***, ser.* **Jylk.** *Jyrk sary.*

**JYRK-JYRK**, *s. ş. aňl. söz.* Bir zat yzly-yzyna jyrkyldanda çykýan ses.

**JYRKYLDABERMEK** [jyrkylla:vermek], *işl.* Jyrkyldap başlamak.

**JYRKYLDAMA** [jyrkyllama], *iş ady.* Jyrkyldamak ýagdaýy.

**JYRKYLDAMAK** [jyrkyllamak], *işl.* Jyrkyldyly ses etmek, jyrk-jyrk edip seslenmek, şyrkyldamak. *Gapynyň içki gulpy jyrkyldap ýapyldy.*

**JYRKYLDAMAKLYK** [jyrkyllamaklyk], *iş ady.* Jyrkyldamak ýagdaýy.

**JYRKYLDAMAZLYK** [jyrkyllamazlyk], *iş ady.* Jyrkyldyly ses çykarmazlyk.

**JYRKYLDAŞMAK** [jyrkyllaşmak], *işl.* Birnäçesi jyrkyldyly ses çykarmak. *Asma sagatlar jyrkgyldaşýardy.*

**JYRKYLDATMAK** [jyrkyllatmak], *işl.* Jyrkyldy döretmek, jyrkyldyly seslendirmek, şyrkyldatmak. *Ol jyrkyldadyp surat aldy.*

**JYRKYLDY** [jyrkylly], *at.* Sagat we ş.m. işlän wagtynda olardan çykýan yzygiderli sesiň ady. *Ony sagadyň jyrkyldysy ýatyrmady.*

**JYRLAMAK**, *işl., gepl. d., ser.* **Jyrryldamak**. *Telefonyň jyrlap sesi gelýärdi.*

**JYRLATMAK**, *işl., gepl.d.* **1**. *ser.* **Jyrryldatmak**. **2**. Ýyrtyp goýbermek. *Köne ýaglygy jyrladyp ýyrtdy.*

**JYRYBERMEK** [jyryvermek], *işl.* Gaçyp başlamak, ökje göterip gaçyp başlamak.

**JYRMA**, *iş ady.* Jyrmak ýagdaýy.

**JYRMAK**, *işl., gepl.d.* Gaçmak, gaçyp gitmek, ökje götermek. *Nirä jyrjak bolýarsyň?*

**JYRMAKLYK**, *iş ady.* Jyrmak ýagdaýy.

**JYRMAZLYK**, *iş ady.* Gaçmazlyk, ökje götermezlik.

**JYRRALMA**, *iş ady.* Jyrralmak hereketi.

**JYRRALMAK**, *işl., gepl.d.* Aýagaldygyna gaçmak, ýazzyny bermek. *Çagalar jyrralyp gaçyp gitdiler.*

**JYRRALMAKLYK**, *iş ady.* Jyrralmak ýagdaýy.

**JYRRALYBERMEK** [jyrralyvermek], *işl.* Aýagaldygyna gaçyp başlamak.

**JYRRARYLMAK**, *işl., gepl. d., ser.* **Jyrralmak**. *Ýeke keýigiň jyrrarylyp gaçany göründi.*

**JYRRYK**, *at.* Baganasyny almak üçin öldürilen guzynyň läşi, eti.

**JYRRYLDABERMEK** [jyrrylla:vermek], *işl.* Jyrryldap başlamak.

**JYRRYLDAMA** [jyrryllama], *iş ady.* Jyrryldamak hereketi.

**JYRRYLDAMAK** [jyrryllamak], *işl.* Jyrryldyly ses etmek, jyrryldyly seslenmek, jyrlamak. *Ir turmak üçin 6-a gurlan sagat jyrryldady.*

**JYRRYLDAMAKLYK** [jyrryllamaklyk], *iş ady.* Jyrryldamak ýagdaýy.

**JYRRYLDAMAZLYK** [jyrryllamazlyk], *iş ady.* Jyrryldyly ses çykarmazlyk.

**JYRRYLDATMAK** [jyrryllatmak], *işl.* Jyrryldyly ses çykartmak, jyrryldyly seslendirmek, jyrlatmak.

**JYRRYLDY** [jyrrylly], *at.* Käbir mehanizm işlände, käbir mör-möjek seslenende, ýuka mata ýyrtylanda çykýan sesiň ady. *Sagadyň jyrryldysy.*

**JYRS-ÇIG** [jyrs-çi:ğ], *syp.* Gaty çig. *Garpyz jyrs--çig eken.*

**JYRTLABERMEK** [jyrtla:vermek], *işl.* Jyrtlap başlamak.

**JYRTLAGAN** [jyrtlağan], *at.* Jyrtlamaga endik eden, köp jyrtlaýan. *Obada belli-belli jyrtlagan eşekler bardy.*

**JYRTLAMAK**, *işl., ser.* **Jyzzynlamak**.

**JYRTLAMAKLYK**, *iş ady.* Jyrtlamak ýagdaýy.

**JYRTLAMAZLYK**, *iş ady.* Jyrt, hyzzyn atmazlyk.

**JYRTLAŞMAK**, *işl., ser.* **Jyzzynlaşmak**. *Agaçlaryň arasynda eýesiz eşekler jyrtlaşyp ýörler.*

**JYRYM-JYRYM**, *hal.* Ýyrtym-ýyrtym, sal-sal, daraw-daraw bolan. *Ýakalaşykda onuň göwşüldän köýnegi jyrym-jyrym bolupdyr.*

**JYSMYK**, *at.* Bir ok atýan kiçi ýekenil tüpeň.

**JYSSYLDABERMEK** [jyssylla:vermek], *işl.* Jyssyldap başlamak.

**JYSSYLDAMA** [jyssyllama], *iş ady.* Jyssyldamak ýagdaýy.

**JYSSYLDAMAK** [jyssyllamak], *işl.* Jyssyldyly ses çykmak, jyssyldyly seslenmek. *Oklaryň jyssyldysy.*

**JYSSYLDAMAKLYK** [jyssyllamaklyk], *iş ady.* Jyssyldamak ýagdaýy.

**JYSSYLDAMAZLYK** [jyssyllamazlyk], *iş ady.* Jyssyldyly ses çykmazlyk.

**JYSSYLDAŞMAK** [jyssyllaşmak], *işl.* Ýerli--ýerden jyslaşmak, jyssyldyly ses çykyp başlamak. *Tüpeňler yzly-yzyna jyssyldaşýardy.*

**JYSSYLDATMAK** [jyssyllatmak], *işl.* Jyssyldyly ses çykartmak, jyssyldyly seslendirmek, jyslatmak. *Jysmygyny jyssyldadyp atýardy.*

**JYSSYLDY** [jyssylly], *at.* Jysmyk atylanda çykýan sesiň ady.

**JYTDYLDAMAK** [jytdyllamak], *işl., gepl.d.* Jytdyldyly ses çykmak.

**JYTDYLDATMAK** [jytdyllatmak], *işl.,gepl.d.* Jytdyldyly ses çykartmak. *Çigit jytdyldadyp oturmakdan başga işiň ýokmudy?*

**JYTDYLDY** [jytdylly], *at.* Jyt-jyt edip çykýan sesiň ady.

**JYTLAMAK** [jytylamak], *işl., gepl. d., ser.* **Jytdyldamak**.

**JYTLATMAK** [jytylatmak], *işl.* **1**. Jyt-jyt edip seslendirmek: jytdyldatmak. **2**. *gepl. d.* Dişleriň arasyndan jyt edip, sesli tüýkürmek.

**JYZA I**, *at.* Güýz, gyş aýlarynda ygaldan soň agaçlaryň, çöpleriň üstünde doňaklyk sebäpli emele gelýän gyraw, buz. *Çakyr aýazyň täsiri bilen şahalar jyza baglapdy.*

**JYZA II**, *at, kön. s., ser.* **Jyda 1**. *Bilde "Dembermezim", golda jyzam bar, Söwdügim, göz ýaşyň näge döker sen?*(Şabende).

**JYZA III**, *at.* Adamyň tenine örýän saryja kiçijik düwürtik.

**JYZA IV**, *at, gepl. d.* Saça düşýän sirke.

**JYZAR: päline jyzar bolmak** pälinden tapmak, eden ýaramaz işine görä jezasyny çekmek.

**JYZARBAGY** [jyzarva:ğy], *at.* Hataby howuda berkidýän bag, ýüp.

**JYZLABERMEK** [jyzyla:vermek], *işl.* Awuşap, agyryp başlamak.

**JYZLAMA** [jyzylama] **1**. *iş ady.* Jyzlamak ýagdaýy. **2**. *at, syp.* Tüp yssy, gaty yssy wagty, jokrama yssy. *Ol tomsuň jyzlamasy diýmän, gyşyň aňzagy diýmän, bütin ömrüne süriniň yzynda gezdi, çopançylyk etdi.*

**JYZLAMAK** [jyzylamak], *işl.* **1**. Awuşap, gaty agyrmak. *Çetiniň tikeniniň çyzan ýeri jyzlap durdy.* **2**. Günüň astynda gaty gyzmak (howa hakda).

**JYZLAMAKLYK** [jyzylamaklyk], *iş ady.* Jyzlamak ýagdaýy.

**JYZLAMAZLYK** [jyzylamazlyk], *iş ady.* Jyzlap agyrmazlyk; güne ýanmazlyk.

**JYZLAN** [jyzla:n], *at.* Tomus wagtlary agaçlaryň üstünde ýaşaýan ömri gysga möjejik. *Kemsiz bişen bugdaýlykdan jyzlanyň sesi gelýärdi.*

◊ **Jyzlanyň ömri ýaly** az wagtlyk, gysga wagt dowam edýän.

**JYZLAŞMAK** [jyzylaşmak], *işl.* **1**. Ýerli-ýerden awuşamak, awuşap agyrmak.*Ýandagyň tikeni çümen*

*ýerleri jyzlaşýardy.* **2**. Jyz edýän ses çykaryp başlamak. *Tomus aýlarynda jyzlanlar jyzlaşyp, ses edýärler.*

**JYZMAK**, *işl.* Utulyp barýan wagtyň utulmajak bolup, oýnuň düzgünini bozmak.

**JYZYRDABERMEK** [jyzyrda:vermek], *işl.* Jyzyrdap başlamak; güne ýanyp başlamak.

**JYZYRDAMA**, *iş ady.* Jyzyrdamak ýagdaýy.

**JYZYRDAMAK**, *işl.* **1**. Jyzyrdyly ses çykmak, jyzyrdyly seslenmek, jyzyr-jyzyr etmek. *Saja atylan böwrekdir bagyr jyzyrdap başlady*. **2**. *göç.m.* Güne ýanmak, günüň aşagynda gyzmak. *Ýakyp barýan güne jyzyrdap uzyn gün işlemek aňsat däldi.*

**JYZYRDAMAKLYK**, *iş ady.* Jyzyrdamak ýagdaýy.

**JYZYRDAMAZLYK**, *iş ady.* Jyzyrdyly ses çykarmazlyk; güne ýanmazlyk.

**JYZYRDAŞMAK**, *işl.* Ýerli-ýerden jyzyrdyly ses çykmak. *Üstüne suw sepilen közler jyzyrdaşýardylar.*

**JYZYRDATMAK**, *işl.* **1**. Jyzyrdyly ses çykartmak, jyzyrdyly seslendirmek, jyzyr-jyzyr etdirmek. *Çişligiň ýanýan bolaýmasyn, gaty jyzyrdadýarsyň-la!* **2**. *göç.m.* Örän gaty gyzdyrmak, ýakyp barmak (Gün hakynda). *Gün jyzyrdadyp ýakyp barýardy.*

**JYZYRDY**, *at.* **1**. Saçda, gazanda et gowrulanda ýa-da et daglananda çykýan sesiň ady. *Çişlikden damýan ýaglaryň jyzyrdysy esli aralykdan eşidilýärdi.* **2**. Gyzgyn, ötgür zat bilen tene ýiti täsir edilende emele gelýän ýiti agyry.

**JYZYR-JYZYR**, *at, ser.* **Jyzyrdy 1**.

**JYZZYK**, **1**. *at, ser.* **Jigirdek**. *Ol süzgüç bilen gowrulan jyzzygy çykarmaga başlady.* **2**. *gepl. d.* Pökgüden gelen semiz, jozzuk gyzyl (adamyň ýüzi hakynda).

**JYZZYLDABERMEK** [jyzzylla:vermek], *işl.* Jyz-jyz edip ses çykyp başlamak.

**JYZZYLDAMA** [jyzzyllama], *iş ady.* Jyzzyldamak ýagdaýy.

**JYZZYLDAMAK** [jyzzyllamak], *işl.* Jyzzyldyly seslenmek, jyz-jyz etmek, jyzlap ses çykmak.

**JYZZYLDAMAKLYK** [jyzzyllamaklyk], *iş ady.* Jyzzyldamak ýagdaýy.

**JYZZYLDAMAZLYK** [jyzzyllamazlyk], *iş ady.* Jyzzyldyly ses çykmazlyk.

**JYZZYLDAŞMAK** [jyzzyllaşmak], *işl.* Ýerli-ýerden jyzzyldyly ses çykmak.

**JYZZYLDY** [jyzzylly], *at.* **1**. Jyzlan we ş.m. möjejikleriň çykarýan sesiniň ady. **2**. Awuşaýan ýiti agyry.

**JYZZYN** [jyzzy:n]**: jyzzyn atmak** jyzzynlamak. *Ýaz otundan kemsiz doýan gylýallar iki ýana jyzzyn atýarlar.*

**JYZZYNAKLAMAK**, *işl., ser.* **Jyzzynlamak**.

**JYZZYNLABERMEK** [jyzzy:nla:vermek], *işl.* Jyrtlap başlamak, jyzzynlap başlamak.

**JYZZYNLAMA** [jyzzy:nlama], *iş ady.* Jyzzynlamak hereketi.

**JYZZYNLAMAK** [jyzzy:nlamak], *işl.* Gulagyny ýapyryp, jyrtlap, gaty çapmak, jyzzyn atmak (eşek hakynda).

**JYZZYNLAŞMAK** [jyzzy:nlaşmak], *işl.* Ýerli-ýerden jyrtlaşmak, jyzzyn atyşmak. *Jyzzynlaşyp kowalaşýan kürreler ala tozan turuzýarlar.*

# Ž

**Ž**, Türkmen elipbiýiniň on ikinji harpy.

**ŽANR** [ža:nyr], Çeper eseriň uzak taryhy döwrüň içinde dörän görnüşi. *Roman žanry. Goşgy žanry.*

**ŽE** [že:], Türkmen elipbiýiniň "Ž" harpynyň ady.

**ŽENŞEN** [ženşe:n], Uzak Gündogarda gögerýän we köki lukmançylykda peýdalanylýan ösümlik.

**ŽIRAF** [žira:f], *at.* Uzyn boýunly we uzyn aýakly, daş sypaty alabeder, gäwüşeýän haýwan.

**ŽURNAL** [žurna:l], *at.* **1**. Kitapça görnüşli döwürleýin neşir. *Ähli žurnallaryň öz wagtynda aýma-aý çap edilmegi ýola goýuldy*. **2**. Bir waka, karar, geçirilýän iş hakda ýazgy kitaby ýa-da depder.

**ŽURNALIST** [žurnali:st / žurnali:s], *at.* Žurnalistlik bilen meşgullanýan edebi işgär.

**ŽURNALISTIKA** [žurnali:stika], *at.* **1**. Žurnallarda, gazetlerde, telewideniýede we radioda edebi-publisistik, edebi-žurnalistik iş alyp baryş we şol baradaky ylym. **2**. Köpçülikleýin habar-beriş serişdelerinde döwürleýin gepleşikleriň we neşir edilýän žurnal, gazetleriň jemi.

**ŽURNALISTLIK** [žurnali:slik], *at.* Žurnalistiň kesp-käri, hünäri, galamgärlik.

## MAZMUNY


Dilde halkyň ruhy ýaşaýar . . . . . . . . . . 7
Sözbaşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 10
Sözlügiň gurluşy hakynda . . . . . . . . . . 13
Şertli gysgaltmalar . . . . . . . . . . . . . . . . 22
Türkmen elipbiýi . . . . . . . . . . . . . . . . . 23
A . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 24
B . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 106
Ç . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 181
D . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 237
E . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 332
Ä . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 361
F. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 367
G . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 368
H . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 526
I . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 587
J. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 612
Ž . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 644

# TÜRKMEN DILINIŇ DÜŞÜNDIRIŞLI SÖZLÜGI

## I TOM

## A – Ž


| | |
|---|---|
| Jogapkär redaktor | *G. Kyýasowa* |
| Redaktorlar | *O. Bäşimowa, B. Orazdurdyýewa,* |
| | *O. Artykowa, O. Garajaýewa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *G. Orazgeldiýewa* |

A – 88506
Çap etmäge rugsat edildi 05.02.2016.
Ölçegi 84x108 $^1/_{16}$. Edebi garnitura.
Çap listi 40,5. Şertli-çap listi 68,04. Hasap-neşir listi 77,61.
Şertli reňkli ottiski 43,63. Sargyt № 253. Sany 20 000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.